# MUKADDES KITAP

Mukaddes Kitap Terjime instituty
2016

# MUKADDES KITAP

Suratlar:
Horace Knowles © The British & Foreign Bible Society 1954, 1967, 1972
Goşmaça suratlar we düzedişler:
Louise Bass © The British & Foreign Bible Society 1994

ISBN 978-5-93943-219-1

© Mukaddes Kitap Terjime instituty, 2016

# Giriş

Eliňizdäki Mukaddes Kitap her bir adam üçin iň wajyp kitapdyr! Bu kitap arkaly adamzat öz Ýaradyjysy Hudaýy tanap, Onuň biz üçin niýetlän ajaýyp maksadyny öwrener we iman edip, baky ýaşaýşa eýe bolar. Beýik patyşa bolan Dawut pygamber Hudaýyň Sözi barada öz mezmurlarynyň birinde: «Seniň sözüň – çyra aýaklaryma, ol – ýagtylyk meniň ýodama» diýip aýdýar. Hudaýyň Sözi, dogrudan-da, her bir ynsanyň durmuşy üçin çyradyr, ýöreýän ýoluny ýagtyldýan nurdur! Goý, Hudaý bu kitaby okaýan her bir ynsana pähim-paýhas berip, Öz Sözüniň ummasyz baýlygyny oňa bagyş etsin!

***Kitaplaryň atlary***

Mukaddes Kitabyň düzümine girýän kitaplaryň atlary dürli-dürlüdir:

- Kitap ýa-da onuň esasy bölegi belli bir adam tarapyndan ýazylyp, şol adamyň ady bilen atlandyrylýar, mysal üçin, «Süleýmanyň pähimleri».
- Kitap haýsydyr bir adam barada ýazylyp, şol adamyň adyna laýyklykda atlandyrylýar, mysal üçin, «Rut».
- Kitap ysraýyl halkynyň taryhynyň haýsydyr bir döwrüni beýan edip, şol döwürdäki wakalara, ýagdaýlara laýyklykda atlandyrylýar, mysal üçin, «Ysrayyl serdarlary». Bular barada has giňişleýin maglumaty almak üçin, her kitabyň başynda berilýän giriş bölümine göz aýlaň.

***Mukaddes Kitabyň düzümine girýän kitaplar şu toparlara bölünýär:***

- Köne Äht
  - Töwrat (Gelip çykyş – Kanun taglymaty)
  - Ir döwürdäki pygamberler; bu kitaplar topary käwagt «Taryhy kitaplar» diýlip hem atlandyrylýar (Ýeşuwa – Patyşalar (Ikinji kitap))
  - Ýazgylar, şeýle topara Zebur we Süleýmanyň pähimleri ýaly kitaplar girýär. (Ýyl ýazgylary – Nagmalar nagmasy)
  - Beýleki pygamberler (Işaýa – Malaky)
- Täze Äht
  - Hoş habarlar. Muňa dört kitap degişli bolup, olar dürli adamlar tarapyndan ýazylandyr. Olar özleriniň şaýat bolan wakalaryny beýan edýärler.
  - «Resullaryň işleri» atly kitap Luka tarapyndan ýazylandyr. Ol bu kitapda Isa Mesihiň göge göterilenden soň bolan wakalary beýan edýär.
  - Hatlar. Bular Pawlus, Petrus we Ýohanna ýaly awtorlaryň mesihi ýygnaklara ýazan hatlarydyr.
  - «Ýohanna gelen aýanlyk» edebiýatyň aýratyn görnüşi bolup, onda Hudaýdan gelen görnüşler we aýanlyklar beýan edilýär.

Ýokarda agzalan kitaplar toplumlarynyň her biri özüne mahsus bolan žanrda ýazylandyr. Şonuň üçin-de okyjy kitaby okanda, onuň žanr aýratynlygyny hasaba almalydyr.

«Köne Äht» we «Täze Äht» kitaplaryna goşmaça sözbaşylar berilýär. «Köne Ähtiň» düzümine pygamberleriň kitaplarynyň hem girýändigine garamazdan, oňa türkmen okyjylaryna giňden tanyş bolan «Töwrat» we «Zebur» diýen goşmaça sözbaşylar berildi. «Täze Äht» kitabyna «Injil» diýen goşmaça sözbaşy berilse-de, onuň düzümine «Injilden» başga kitaplar we imanlylar ýygnaklaryna ýazylan hatlar girýär.

### *Hudaýyň atlary*

Köne Äht kitaby türkmen diline asyl nusgadan, ýagny ýewreý dilinden terjime edildi. Bu kitabyň ýewreý dilindäki asyl nusgasynda Hudaýyň birnäçe ady duş gelýär. Onuň «Elohim» ady has köp ulanylyp, ol türkmen diline «Hudaý» diýip terjime edildi. Onuň beýleki ady Ýahwe bolup, ol hem «Hudaý» diýmegi aňladýar. Bu at türkmen diline «Reb» diýip terjime edildi. «Reb» sözi Hudaýyň äht baglaşan, Özüni halkyna aýan eden ýa-da ynsan keşbinde peýda bolan ýagdaýlaryna degişli wakalarda ulanyldy. Hudaýyň «El-Şaddaý» ady türkmen diline «Gudratygüýçli» diýip, «El-Elýon» bolsa «Beýik Hudaý» diýip terjime edildi. Hudaýyň kitapda seýrek duş gelýän «Adonaý» ady «Taňry» diýip terjime edildi. Hereket edýän, beýik işleri amala aşyrýan Hudaýy suratlandyrmak üçin ýewreý dilinde utgaşdyrylyp ulanylan *«Ýahwe Elohim»* ady türkmen diline «Hudaýymyz Reb» diýip terjime edildi.

Täze Äht kitabynyň asyl nusgasy grek dilinde ýazylyp, onda Hudaý babatda «kurios» diýen söz ulanylýar. Kitabyň ýazga geçirilen döwründe bu söz «aga» ýa-da «hojaýyn, eýe» diýmegi aňladýardy. Köne Ähtiň grek dilindäki terjimesinde Hudaýyň «Ýahwe» we «Adonaý» atlary hem «kurios» diýip terjime edilendir. Şonuň üçin-de, Täze Äht kitabynda adamlar Isa Mesihe «kurios» diýip ýüzlenenlerinde, Ony Hudaý hökmünde kabul edendikleri äşgär bolýar. Şeýle ýagdaýlarda «kurios» sözi türkmen diline «Reb» diýip terjime edildi. Mundan başga-da, Isa Mesih ölümden direlenden soň Oňa *Kurios Isa Mesih* diýip ýüzlenilip, bu at türkmen diline «Rebbimiz Isa Mesih» diýip terjime edildi.

### *Mukaddes Ýazgylar we taryhy wakalar*

Mukaddes Ýazgylarda beýan edilýän wakalara doly we dogry düşünmek üçin, olara şol döwürde bolup geçen taryhy wakalar bilen umumy baglanyşykda garamalydyr. Aşakda Mukaddes Ýazgylarda beýan edilen taryhy döwürleriň we imperiýalaryň ady berilýär:

1. *Ybraýym pygamberiň döwrüne çenli bolup geçen wakalar.* Hudaý dünýäni ýaradýar. Ol Adam atany we How enäni ýaradyp, olary Erem bagynda ýerleşdirýär. Emma olar Hudaýyň emrini bozansoňlar, Eremden mahrum edilýärler. Olaryň nesli köpelip, ýer ýüzüne ýaýraýar, günä içinde ýaşap, öz durmuşlaryna gümra bolup, Ýaradany unudýar. Hudaýyň muňa juda gahary gelip, tutuş adamzady

ýok etmegi niýet edinýär. Ol Öz niýetini berjaý etmek üçin, ýer ýüzüne elhenç sil iberýär-de, Nuh pygamber bilen onuň maşgalasyndan başga tutuş adamzady ýok edýär. Hawa, Hudaý şol silde diňe Nuh pygamberi we onuň maşgalasyny halas edýär, sebäbi olar diri Hudaýa iman edip, Oňa sežde edýärdiler. Beýan edilýän wakalaryň şu tapgyry Nuhuň nesilleriniň Babyl minarasyny gurşy we tutuş adamzadyň nesil daragtynyň döreýşi bilen tamamlanýar.

2. *Ybraýym pygamber baradaky wakalar.* Hiç perzendi bolmadyk Ybraýym pygambere Hudaý bir ogul berjekdigini, ondan beýik bir millet ýaratjakdygyny wada berýär. Mundan başga-da, Hudaý pygambere onuň nesline «bal bilen süýt akýan» Kengan topragyny-da miras berjekdigini wada edýär. Ybraýym pygamber wada berlen ýurda göçüp, ol ýerde çadyrda bir çarwadar kimin ýaşaýar. Hudaý Ybraýymyň agtygy Ýakuba «Ysraýyl» diýip at berýär. Ysraýylyň on iki ogly bolup, olar tutuş halkyň nesilbaşylary bolýar. Ysraýylyň Ýusup atly söýgüli ogly doganlary tarapyndan Müsür gulçulygyna satylsa-da, Hudaý ony ýalňyz goýmaýar. Ýusup pygamber Hudaýyň kömegi bilen tutuş Müsür ýurdunda ikinji derejeli adam bolýar. Ol açlyk döwründe tutuş ýurdy we öz atasynyň maşgalasyny halas edýär. Onuň nesli Müsürde juda köpelýär, emma Ýusup pygamber aradan çykandan soň, olar Müsür ýurdunda gul bolýarlar.
3. *Müsürden çykyş we wada edilen topragy eýelemek baradaky wakalar:*
   a. Musa Ysraýylyň neslini müsür gulçulygyndan azat edýär. Ysraýylyň ogullaryndan dörän tireler çölde Hudaýa eýerip, Ondan Mukaddes Kanuny kabul edýärler. Hudaý olara lewi tiresini ruhanyçylyga bellemegi we Özi üçin mukaddes çadyry ýasamagy buýurýar. Bu çadyr Hudaýa sežde etmek üçin niýetlenendi.
   b. Ýeşuwa ysraýyllary Ybraýym pygambere wada berlen topraga – Kengana getirýär. Olar bu topragy şol ýerde ýaşap ýören tirelerden basyp alýarlar. Bu tireleriň aglaba bölegi Nuh pygamberiň Ham we Ýafes atly ogullarynyň nesilleridi. Ybraýym pygamber bolsa Nuh pygamberiň nowbahar ogly Samyň neslidi. Ysraýylyň duşmanlary bolan ammonlar we mowaplar bolsa Lutuň nesilleridi. Basylyp alnan ýurt on iki bölege bölünip, ysraýyl tireleriniň arasynda bije boýunça paýlanylýar. Ýusubyň iki oglundan iki tire emele gelýär, sebäbi Ysraýyl pygamber dünýäden ötmänkä olary öz ogullary hökmünde kabul edip, ak pata beripdi. Şonuň üçin-de, on iki bölege bölünen toprak Ysraýylyň on bir oglunyň nesilleriniň arasynda mülk hökmünde paýlanylýar. Ysraýylyň Lewi oglunyň nesilleri bolsa ruhanyçylyga bellenensoňlar, toprakdan hiç mülk almaýarlar, sebäbi Ysraýyl Hudaýy Rebbiň Özi olaryň mülküdi.
4. *On iki tiräniň bir patyşalygy emele getirişi baradaky wakalar:*
   a. Şawul patyşa Ysraýylyň ilkinji patyşasy bolýar. Soňra Dawut pygamber Ysraýyla patyşa bolýar we on iki tiräni birleşdirip, bir milleti emele getirýär-de, öz çäklerini giňeldýär.
   b. Süleýman pygamber Rebbe sežde etmek üçin dünýäde deňi-taýy bolmadyk ybadathanany gurýar.
5. *Patyşalygyň bölünmegi baradaky wakalar.* Süleýman pygamber aradan çykandan soň, onuň iki oglunyň arasynda uruş başlanýar. Ýurduň demirgazygyndaky

on tire Süleýmanyň ogullarynyň birini goldap, Ysraýyl patyşalygyny emele getirýär. Ýahuda we benýamin tireleri bolsa Süleýmanyň beýleki ogluny goldap, ýurduň günortasynda Ýahuda patyşalygyny emele getirýär. Ýahuda we Ysraýyl patyşalyklary pygamberleriň ýazgylarynda köp ýatlanylýar. Demirgazyk patyşalygy babyllylar tarapyndan basylyp alynýar, ilaty bolsa Babyla sürgün edilýär.

6. *Sürgünlik döwri* ybadathana weýran edilýär, günorta patyşalygy bolan Ýahudanyň abraýly we görnükli adamlary, maşgalalary babyllylar tarapyndan ýesir alynýar.
7. *Dikeldiş döwri* – Pars imperiýasy döränden soň ýahudylara öz watanyna, Ysraýyla dolanmak rugsat edilýär. Olar öz ýurduna dolanyp, şäheri we ybadathanany dikeldýärler.
8. *Köne we Täze Ähtiň aralygyndaky döwür* – Makedoniýa imperiýasy. Ortaýer deňzi makedoniýalylar tarapyndan basylyp alynýar. Makedonlar grek dilini ýaýradyp, bilim ulgamyny ösdürip ýaýbaňlandyrýarlar.
9. *Isa Mesihiň durmuşy we hyzmaty.* Şol döwürde ýahudylar Rim imperiýasyna garaşly bolup, onuň bellän patyşalarynyň golastynda ýaşaýardylar. Şeýle patyşalaryň biri-de Hirod bolup, ol Rim imperatoryna doly garaşly bolupdyr.
10. *Ilkinji mesihiler ýygnagy.* Isa Mesih göge göterilenden soň, Oňa iman edenleriň sany barha artýar. Güýçli yzarlanmalara, sögülmelere we ejirlere garamazdan, olaryň sany barha köpelýär. Mesihi ýygnaklar Orta Gündogardan Rim imperiýasynyň Aziýa welaýatyna (häzirki Türkiýe), hatda Ýewropa ýurtlaryna çenli ýaýraýar.

### *Mukaddes Ýazgylaryň žanrlary*

Mukaddes Ýazgylaryň terjimesinde üç dürli žanr: kyssa (beýan etme), goşgy (ýa ak goşgy) we goşgy žanrynda ýazylan proza ulanyldy. Goşgy žanrynda ýazylan proza doly kapyýa eýe bolmasa-da, goşgy ýaly okalýar. Şonuň üçin-de, şeýle žanrda ýazylan pygamberlik kitaplary terjime edilende, olar goşgy görnüşde rejelendi. Ýewreý şygryýetinde «parallelizm» usuly giňden ulanylýar. Şeýle usulda ýazylan goşgularyň birinji setirinde beýan edilýän pikir ikinji setirinde gaýtalanyp, manysy has giňişleýin düşündirilýär.

### *Golýazmalar*

Köne Äht kitaby türkmen diline ýewreý dilinde ýazylan Masoretik tekstlerinden terjime edildi. Bu Masoretik tekst Bibliýa Hebraýikanyň soňky neşirinde çap edildi. Zerurlygyň dörän ýagdaýlarynda şu neşiriň teklip eden alternatiw düşündirmelerinden hem ugur alnyp, olara degişli çykgytlar berildi. Täze Äht kitaby grek dilindäki golyazmadan (Birleşen Mukaddes kitap jemgyýeti, 4-nji neşiri) terjime edildi. Bu görnüşdäki aýatlaryň Tekstus Reseptus bilen tapawutly bolan ýagdaýlarynda olara hem degişli çykgytlar berildi.

### *Çykgytlar*

Terjimede çykgytlaryň birnäçe görnüşleri ulanyldy. Olaryň iň ýönekeýi okyja düşnüksiz ýa-da näbelli bolan söze düşündiriş berýär. Şeýle sözler kitabyň ahyrynda

berilýän Sözlükde hem ýerleşdirilendir. Çykgytlaryň ýene bir görnüşi terjime edilen asyl nusgadaky aýatlaryň başga görnüşiniň bardygyny hem görkezýär. Şeýle aýatlaryň arasyndaky tapawut jikme-jik görkezilmese-de, haýsy asyl nusgadan alnandygy mälim edilýär.

### *Ölçeg birlikleri*

Mukaddes Ýazgylaryň terjimesinde ölçeg birliklerini aňlatmak üçin *mysgal, gadak, batman* ýaly gadymy köne türkmen ölçeg birikleri ulanyldy. Olaryň häzirki döwürdäki takmynan ölçegini görkezmek üçin degişli çykgytlar berildi. Şeýle-de, çykgytlarda köne ýewreý we grek ölçegleri ulanyldy. Siz bu ölçeg birliklerini kitabyň ahyrynda berilýän tablisada görüp bilersiňiz.

### *Salgylanma aýatlary*

Täze Ähtiň kitaplarynda Köne Ähtden mysal getirilende, onuň haýsy kitapdan alnandygyny görkezmek üçin salgylanma aýatlary berilýär. Bu okyja aýadyň ýa-da babyň asyl mazmunyny tapmagy ýeňilleşdirmek maksady bilen edildi.

### *Mukaddes Ýazgylaryň stili*

Mukaddes Ýazgylaryň stili özboluşlydyr. Sebäbi onuň asyl nusgasynyň ýazylan döwründäki durmuş ýagdaýlarynyň, däp-dessurlarynyň käbirleri türkmen durmuşy we medeniýeti üçin nätanyşdyr. Şoňa görä-de, terjimeçiler asyl nusganyň manysynyň türkmen okyjysyna düşnükli bolmagy üçin bu işe örän seresaply çemeleşdiler. Olar asyl nusganyň manysynyň üýtgedilmegine ýa-da teswirlenmegine ýol bermezlik üçin, ony sözme-söz terjime etmekden ýa-da diňe manysyny terjime etmekden gaça durdular. Öňde goýlan meseläniň kyn bolandygyna garamazdan, terjime adaty okyja düşnükli bolup, manysynyň arassa, anyk we tebigy bolmagy üçin sada dilde edildi. Terjime stiliniň dürli bolmagy terjimeleriň hem dürli bolýandygyny aňladýar. Şonuň üçin-de, haýsydyr bir terjimäni başga terjime bilen deňeşdirip, onuň nädogry edilendigini aýtmak ýerliksizdir. Terjimeleriň birmeňzeş bolup, adalgalaryň ýa-da jümleleriň başgaça, okyja has düşnükli tärde berilmegi ahmaldyr. Mundan başga-da, terjimeleriň hemmesi belli bir derejede düşündirmelere eýedir. Terjimäniň dowamynda duş gelen ikimanyly sözlemleriň aglaba böleginiň düşündirilmeleri okyjynyň paýyna galdyryldy. Ýöne manysy örän çylşyrymly we aýdyň bolmadyk aýatlaryň käbirleri sadalaşdyrylyp, okyja düşnükli bolar ýaly terjime edildi. Şeýle aýatlaryň terjimesinde köp alymlar tarapyndan bu babatda kabul edilen düşündirişlerden ugur alyndy.

*Mukaddes Kitap Terjime instituty*

# KÖNE ÄHT

## TÖWRAT ◇ PYGAMBERLER ◇ ZEBUR

# Gelip çykyş

## Giriş

*Gelip çykyş* Töwradyň ilkinji kitabydyr. Onuň gadymy golýazmasy ýewreýçe ýazylandyr. Kitabyň ýewreýçe ady «gelip çykyş» ýa-da «başda» diýmegi aňladyp, ol kitabyň ilkinji sözüdir. Bu kitapda dünýäniň ýaradylyşy, tutuş adamzadyň, şol sanda ysraýyl halkynyň gelip çykyşy beýan edilýär.

*Gelip çykyşyň* birinji bölüminde (1 – 11-nji baplar) Ybraýym pygamberiň döwrüne çenli bolup geçen wakalar we şol döwürde ýaşan adamlar hakynda gürrüň berilýär.

Hudaýyň ýaradan zatlarynyň ählisi ajaýypdy. Emma ilkinji ynsanlar: Adam ata we How ene Rebbi diňlemän, günäniň dünýä aralaşmagyna sebäp boldular. Adamlaryň edýän günäsi gitdigisaýy artyp, Hudaýyň sabyr käsesi pürepür bolansoň, Ol tutuş adamzady sil arkaly ýok etmegi ýüregine düwdi. Reb tutuş adamzatdan diňe Nuh pygamberi we onuň maşgalasyny aman galdyrmak isledi, sebäbi olar Rebbe ybadat edip, dogruçyldylar. Hudaý olara özlerini, haýwanlaryň we guşlaryň her görnüşinden bir jübütini halas etmek üçin, uly gämi ýasamagy buýurdy. Gämi taýýar bolandan soň, heniz görlüp-eşidilmedik sil gelip, ýer ýüzündäki ähli adamlary, janly-jandarlary ýok etdi.

Silden soň Nuh pygamberiň nesli ýene-de ýer ýüzüne ýaýrady. Ýöne olaryň köpüsi Rebbe ybadat etmeklerini bes etdiler.

Kitabyň galan böleginde (12 – 50-nji baplar) Ybraýym pygamber we onuň maşgalasy baradaky taryhy wakalar beýan edilýär. Ybraýym pygamber Rebbe iman edip, örän dogruçyl adamdy. Ol Hudaýyň görkezen ýurduna – Kengan ýurduna öz maşgalasy bilen göçdi. Hudaý ondan bir beýik halk ýaratjakdygyny, bu halka şol ýurdy miras berjekdigini, onuň nesli arkaly tutuş adamzady ýalkajakdygyny wada edip, onuň bilen äht baglaşdy. Ybraýym hem özüniň hiç perzendiniň ýokdugyna garamazdan, Hudaýyň beren bu wadasyna ynandy.

Ýyllar geçýärdi, emma Ybraýym pygamber bilen Saranyň heniz-de çagalary ýokdy. Şonda Sara öz gyrnagy Hajary Ybraýyma aýallyga berýär. Şeýdip, hezreti Ysmaýyl dünýä inýär. Ybraýym bu wada berlen oguldyr öýdüp, örän begenýär. Emma Hudaý wada berlen ogluň Ybraýymyň öz aýalyndan, ýagny Saradan doguljakdygyny ýene-de bir gezek aýdýar. Wagt geçip, wada edilen ogul, ýagny hezreti Yshak dünýä inýär. Emma Hudaý söýgüli ogluňy gurbanlyk ber diýip, Ybraýymyň imanyny synap

görmekçi bolýar. Ybraýym Hudaýyň sözünden çykman, Yshagy Oňa gurbanlyk bermek üçin hanjary ýokary galdyran pursadynda, Ol onuň imanynyň näderejede güýçlüdigini görüp, gurbanlyk üçin bir goç berýär. Ybraýymyň şeýle imany Hudaýyň nazarynda dogrulyk saýylýar. Hudaý Ybraýyma beren wadasyny berjaý edip, onuň ogly Ysmaýyl pygamberden arap halkyny, ogly Yshak pygamberden bolsa ýewreý halkyny ýaradýar.

Bulardan başga-da, kitapda Ybraýym pygamberiň ogly Yshak we agtygy Ýakup pygamberleriň durmuşlary jikme-jik beýan edilýär.

Ýokarda agzalyp geçilen «äht» düşünjesi ilkinji gezek *Gelip çykyş* kitabynda duş gelýär. Ata-babalar berlen ähte minnetdar bolansoňlar, Hudaýa höwes bilen ybadat edýärdiler, Oňa ýakma gurbanlyklaryny berýärdiler. Ol Özüni olara aýan eden Hudaýdyr. «Ýakma gurbanlygy» we şular ýaly birnäçe gurbanlyk adalgalary, haýwanlar babatdaky «haram» we «halal» diýen düşünjeler hem ilki *Gelip çykyşda* duş gelýär.

Hudaý hezreti Ysmaýyla-da, hezreti Yshaga-da birnäçe tireleriň nesilbaşylary boljakdyklaryny wada edýär. Ol Ybraýym pygamberiň agtygy Ýakuba «Ysraýyl» (Ysraýyl pygamber) diýip at berýär. Ysraýylyň körpe ogly Ýusup pygamber doganlary tarapyndan Müsüre gul edilip satylýar. Emma Hudaýyň beren akyldarlygy we başarjaňlygy arkaly Ýusup Müsüriň häkimi bolýar. Kengan ýurduna düşen açlyk zerarly Ýakubyň doganlary Müsüre gelip, ol ýerde ornaşýarlar. Ýusup öz ata-babalarynyň ýurdunda uzakda ýaşamaly bolýandygyna garamazdan, Hudaýyň Öz halkyna beren wadasyny bir gün berjaý etjekdigini bilýärdi.

*«Meniň sanaglym dolup barýar, ýöne Hudaý hökman siziň dadyňyza ýetişer. Hudaý sizi Müsürden çykaryp, Ybraýyma, Yshaga we Ýakuba wada eden topragyna elter».*

*50:24*

### *Mazmuny*


Dünýäniň we adamzadyň ýaradylyşy ........ *1:1–2:25*
Günäniň we zorlugyň başy ........ *3:1-24*
Adam atadan Nuh pygambere çenli bolan döwür ........ *4:1–5:32*
Nuh pygamber we sil ........ *6:1–10:32*
Babyl minarasy ........ *11:1-9*
Samyň nesilleri ........ *11:10-32*
Ata-babalar: Ybraýym, Yshak, Ýakup ........ *12:1–35:29*
Ysawyň nesilleri ........ *36:1-43*
Ýusup we onuň doganlary ........ *37:1–45:28*
Ysraýyllar Müsürde ........ *46:1–50:26*

## 1-nji bap

### *Hudaý dünýäni we adamzady ýaradýar*

1 Başda Hudaý gögi we ýeri ýaratdy.
2 Dünýä şekilsiz boşlukdy, suwlaryň ýüzi
tüm-garaňkylyk bilen örtülendi. Suwuň
ýüzünde Hudaýyň Ruhy perwaz urýardy.
3 Hudaý: «Ýagtylyk bolsun!» diýdi.
Ýagtylyk peýda boldy. 4 Hudaý ýagtyly-
gyň gowudygyny görüp, ony tümlükden
bölüp aýyrdy. 5 Hudaý ýagtylygy gündiz,
tümlügi bolsa gije diýip atlandyrdy. Şeý-
dip, gije geçip, daň atdy. Bu ilkinji gündi.
6 Hudaý: «Suwlaryň aralygynda güm-
mez bolsun we ol suwy suwdan bölüp
aýyrsyn!» diýdi. 7 Şeýdip, Hudaý güm-
mez ýaratdy. Ol gümmeziň astyndaky
suwy ýokarsyndaky suwdan bölüp
aýyrdy. 8 Hudaý gümmezi asman diýip
atlandyrdy. Şeýdip, gije geçip, daň atdy.
Bu ikinji gündi.
9 Hudaý: «Asmanyň astyndaky suwlar
bir ýere jemlensin we gury ýer emele gel-
sin!» diýdi. Bu şeýle-de boldy. 10 Hudaý
gury ýeri ýer, bir ýere jemlenen suwlary
bolsa deňiz diýip atlandyrdy. Hudaý mu-
nuň gowudygyny gördi. 11 Soňra Hudaý:
«Ýerde her dürli ösümlikler emele gel-
sin. Tohum berýän her dürli ösümlikler
we tohumy miwesiniň içinde bolan her
dürli miweli agaçlar össün. Soňra ola-
ryň tohumlaryndan dürli ösümlikler we
agaçlar gögersin» diýdi. Bu şeýle-de bol-
dy. 12 Şeýdip, ýer tohum berýän her dürli
ösümlikleri we tohumy miwesiniň içinde
bolan her dürli miweli agaçlary öndürdi.
Hudaý munuň gowudygyny gördi. 13 Şeý-
dip, gije geçip, daň atdy. Bu üçünji gündi.
14 Hudaý: «Gündizi gijeden aýyrmak
üçin asmanda şamçyraglar bolsun. Goý,
olar baýramçylyklary, günleri we ýyl-
lary görkezsin. 15 Şamçyraglar asmanyň
gümmezinde bolup, ýer ýüzüne ýagty
saçsynlar!» diýdi. Bu şeýle-de boldy.
16 Şeýdip, Hudaý iki sany beýik şam-
çyragy – gündizi dolandyrmak üçin uly
şamçyragy, gijäni dolandyrmak üçin kiçi
şamçyragy hem-de ýyldyzlary döret-
di. 17-18 Ýeriň ýüzüne ýagtylyk bermek,
gündiz bilen gijäni dolandyrmak we
ýagtylygy garaňkylykdan tapawutlan-
dyrmak üçin, Hudaý olary asmanda
ýerleşdirdi. Ol munuň gowudygyny gör-
di. 19 Şeýdip, gije geçip, daň atdy. Bu
dördünji gündi.
20 Hudaý: «Goý, suw janly-jandar-
lardan dolup-daşsyn we guşlar hem
asmanyň gümmezinde uçsunlar» diýdi.
21 Şeýdip, Hudaý äpet deňiz aždarlaryny,
suwda ýüzýän dürli suw jandarlaryny
we dürli guş-gumrulary ýaratdy. Ol
munuň gowudygyny gördi. 22 Hudaý:
«Deňiz jandarlary örňäň, köpeliň, de-
ňizleri dolduryň, ýer ýüzündäki guşlar
köpeliň» diýip, olara pata berdi. 23 Şeýdip,
gije geçip, daň atdy. Bu bäşinji gündi.
24 Hudaý: «Ýer öz görnüşlerine görä
jandarlary: mallary, süýrenijileri hem-de
haýwanlary öndürsin» diýdi. Bu şeýle-de
boldy. 25 Hudaý ýer ýüzünde dürli haý-
wanlary, mallary hem-de süýrenijileri
döretdi. Ol munuň gowudygyny gördi.
26 Onsoň Hudaý: «Indi Öz keşbimiz-
de, Özümize meňzeş ynsany ýaradalyň.
Goý, olar balyklaryň, guşlaryň, malla-
ryň, bütin ýer ýüzündäki haýwanlaryň [a]
we ähli süýrenijileriň üstünden höküm
sürsünler!» diýdi.

[a] **1:26 *Bütin ýer ýüzündäki haýwanlaryň*** – bu jümle käbir golýazmalarda *bütin ýer ýüzi* diýip duş gelýär.

[27] Şeýdip, Hudaý Öz keşbinde
ynsany ýaratdy,
hawa, Hudaý ony Öz keşbinde
ýaratdy,
olary erkek we aýal edip
ýaratdy.
[28] Hudaý erkege we aýala: «Örňäp,
köpelip, ýer ýüzüni dolduryň we oňa
eýeçilik ediň; balyklaryň, guşlaryň we
ýer ýüzünde hereket edýän bütin jan-
darlaryň üstünden höküm sürüň» diýip
pata berdi. [29] Hudaý olara: «Indi Men size
ýer ýüzünde tohum berýän ösümlikleri
we tohumy miwesiniň içinde bolan mi-
weli agaçlary berýärin, olar size iýmit
bolar. [30] Ýerdäki haýwanlaryň, gökdäki
guşlaryň hemmesine we burnunda di-
rilik nepesi bolan ýer ýüzünde hereket
edýän bütin jandarlara ähli gök otlary
iýmit üçin berýärin» diýdi. Bu şeýle-de
boldy. [31] Hudaý Öz ýaradan zatlarynyň
juda gowudygyny gördi. Şeýdip, gije
geçip, daň atdy. Bu altynjy gündi.

## 2-nji bap

[1] Şeýdip, tutuş älem-jahanyň we onda-
ky ähli zatlaryň ýaradylyşy tamamlandy.
[2] Hudaý ýedinji günde ähli işini tamam-
lap, şol gün dynç aldy. [3] Hudaý ýedinji
güni aýratyn gün hökmünde ýalkady,
sebäbi Ol şol gün ähli ýaradyş işlerini
tamamlap, dynç aldy.

### *Adam ata bilen How ene Erem bagynda*

[4] Hudaýymyz Reb gögi we ýeri ýara-
danda bolup geçen wakalar şulardyr:
Hudaýymyz Reb ýeri we gögi ýara-
danda, [5-6] ýer ýüzünde heniz gyrymsy
agaç ýokdy, gök ot hem bitmändi, çünki
Hudaýymyz Reb ýere ýagyş ýagdyr-
mandy we ýeri bejermek üçin entek hiç
kimi ýaratmandy, emma ýeriň astyndan
çykan suw tutuş topragy suwarardy.
[7] Hudaýymyz Reb toprakdan adam [a]
ýaradyp, onuň burnuna dirilik nepesini
üfledi. Şeýdip, adam janly barlyk boldy.
[8] Hudaýymyz Reb gündogarda ýerle-
şen Eremde [b] bag oturdyp, adamy şol
ýerde ýerleşdirdi. [9] Hudaýymyz Reb ol
ýerde süýji, dürli-dürli owadan miweli
agaçlary gögertdi. Bagyň ortarasynda
iki sany daragt: ýaşaýyş daragty hem-de
ýagşyny-ýamany saýgaryş daragty bardy.
[10] Erem bagyny suwarýan derýa Ere-
miň içinden akyp geçip, bagyň gutaran
ýerinde dört derýa bölünýär. [11-12] Birinji
derýanyň ady Pişondyr; ol derýa alty-
na baý bolan bütin Hawyla ýurdunyň
içinden akyp geçýär. Ol ýerde sap altyn,
bdolah hem-de hakyk diýen gymmatbaha
daşlar bar. [13] Ikinji derýanyň ady Gihon-
dyr. Ol tutuş Kuş ýurdunyň içinden akyp
geçýär. [14] Üçünji derýanyň ady Tigrdir.
Ol Aşuryň gündogaryndan akyp geçýär.
Dördünji bolsa Ýewfrat derýasydyr.
[15] Erem bagyny işläp bejereri we oňa
gözegçilik ederi ýaly, Hudaýymyz
Reb adamy ol bagda ýerleşdirdi. [16] Hu-
daýymyz Reb adama şeýle emr etdi:
«Sen bagdaky islän agaçlaryň miwe-
sinden arkaýyn iýip bilersiň. [17] Ýöne
ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň
miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen
günüň sen hökman ölersiň».
[18] Hudaýymyz Reb: «Adama ýekelik
ýagşy däl, oňa özüne laýyk kömekçi
ýaradaýyn» diýdi.
[19] Hudaýymyz Reb ähli haýwanlary,
guşlary toprakdan döretdi we adamyň

[a] **2:7** ***Adam*** – ýewreýçe *toprak* we *adam* sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **2:8** ***Erem*** – bu söz *hezillik* diýmegi aňladýar.

olary atlandyryşyny görmek üçin, olary
onuň ýanyna getirdi. Adam ähli janly-
-jandarlara näme at beren bolsa, şol-da
olaryň ady boldy. 20 Şunlukda, adam
ähli mallara, guşlara, ähli haýwanlara
at berdi. Ýöne adamyň özüne laýyk
kömekçi tapylmady.

21 Hudaýymyz Reb adamy agyr uka
giderdi; adam ukudaka, Reb onuň bir
gapyrgasyny alyp, boşap galan ýerini et
bilen örtdi. 22 Hudaýymyz Reb adamyň
bedeninden alan şol gapyrgasyndan
aýal ýaratdy we ony adamyň ýanyna
getirdi. 23 Adam ony görüp: «Ine, süýegi
öz süýegimden, teni öz tenimdendir; ol
aýal bolar, çünki ol erkekden[a] alnan-
dyr» diýdi. 24 Şol sebäpden hem erkek
ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär
we olaryň ikisi bir ten bolýar.

25 Adam-da, onuň aýaly-da ýalaňaçdy-
lar, olar heniz utanmany bilmeýärdiler.

### 3-nji bap

*Adam ata bilen How ene Rebbiň tabşyrygyny bozýarlar*

1 Hudaýymyz Reb tarapyndan ýarady-
lan haýwanlarynyň arasynda iň mekiri
ýylandy. Ýylan aýaldan: «Dogrudanam,
Hudaý size bagdaky agaçlaryň hiç birin-
den iýmäň diýdimi?» diýip sorady. 2 Aýal
ýylana şeýle jogap berdi: «Bagdaky
agaçlaryň miwelerinden iýmäge biziň
ygtyýarymyz bar. 3 Ýöne Hudaý: „Siz
bagyň ortasyndaky agajyň miwesinden
iýmelem dälsiňiz, oňa degmelem dälsi-
ňiz, ýogsam ölersiňiz“ diýdi». 4 Ýylan
aýala şeýle diýdi: «Ýok, ýok! Ölmersiňiz.
5 Şol agajyň miwesinden dadan günüňiz,
Hudaý siziň gözüňiziň açyljakdygyny
we edil Hudaý kimin boljakdygyňyzy
hem-de ýagşyny-ýamany saýgarjak-
dygyňyzy bilýär». 6 Aýal bu agajyň
miwesiniň iýmit üçin gowudygyny, göze
ýakymlydygyny we onuň akyl-paýhas
berýändigini görüp, ondan alyp iýdi.
Ýanyndaky adamsyna-da berdi, ol hem
iýdi. 7 Olaryň gözleri açyldy we özle-
riniň ýalaňaçdyklaryny bildiler. Olar
injir agajynyň ýapraklaryny biri-birine
birleşdirip, özlerine örtgi edindiler.

8 Salkyn aralaşanda, adam aýaly bi-
len bagda gezmeläp ýören Hudaýymyz
Rebbiň sesini eşidip, bagdaky agaçlaryň
arasynda Onuň huzuryndan gizlendiler.
9 Hudaýymyz Reb adamy çagyryp: «Sen
nirede?» diýdi. 10 Adam: «Men bagda,
Seniň sesiňi eşidip, gorkup gizlendim,
çünki men ýalaňaçdym» diýdi. 11 Beýik
Hudaý ondan: «Ýalaňaçdygyňy saňa
kim aýtdy? Iýme diýip gadagan eden
agajymyň miwesinden iýdiňmi?» diýip
sorady. 12 Adam: «Miwäni Seniň maňa
beren aýalyň alyp berdi. Men hem iý-
dim» diýdi. 13 Hudaýymyz Reb aýaldan:
«Bu näme etdigiň boldy?!» diýip sorady.
Aýal: «Ýylan maňa aldap iýdirdi» diýdi.

14 Hudaýymyz Reb ýylana:
«Şeýle edeniň üçin,
ähli mallaryň we haýwanlaryň
iň nälet siňeni sen bolarsyň.
Garnyňyň üstünde süýrenip
gezersiň sen,
ömürboýy toprakdan
iýmitlenersiň sen.
15 Seniň bilen aýalyň,
seniň tohumyň bilen aýalyň
tohumynyň arasyna,
duşmançylyk salaryn Men.
Ol seniň kelläňi owradar,
sen bolsa onuň dabanyndan
çakarsyň» diýdi.

[a] **2:23** Ýewreýçe *aýal* we *erkek* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

16 Beýik Hudaý aýala şeýle diýdi:
«Göwrelilik döwrüňdäki
hasratyňy has artdyraryn,
agyr burgy bilen dograrsyň
çagalaryňy sen,
sen äriňe meýilli bolarsyň [a],
emma ol höküm sürer seniň
üstüňden».
17 Adama bolsa Beýik Hudaý şeýle diýdi:
«Sen aýalyňyň gepine gitdiň,
„Iýme“ diýip, gadagan eden
agajymyň miwesinden iýdiň.
Seniň eden işiň sebäpli, Men
topragy näletländirin.
Sen toprakdan ömürboýy
muşakgatlyk bilen
iýmitlenersiň.
18 Toprak saňa akbaş-ýandak
öndürip berer.
Sen meýdan otlaryny iýersiň.
19 Sen ýerden alnansyň we ýere
dolanýançaň,
nany maňlaý deriňi döküp
iýersiň.
Çünki topraksyň sen we ýene-de
topraga öwrülersiň».
20 Adam aýalyna How [b] diýip at dakdy,
sebäbi How ähli ýaşaýanlaryň enesi
boldy. 21 Hudaýymyz Reb adam bilen
onuň aýalyna deriden eşikler edip, olary
geýindirdi.
22 Hudaýymyz Reb: «Ine, adam ýag-
şyny-ýamany saýgaryp, Biziň Birimiz
kimin boldy. Olar indi ýaşaýyş daragty-
na el uzadyp, onuň miwesindenem iýip,
ebedi ýaşaýmasynlar» diýdi. 23 Şoňa görä
öz alnan topragyny işläp bejereri ýaly,
Hudaýymyz Reb adamy Erem bagyndan
çykardy. 24 Ol adamy bagdan kowdy;
soňra Ol ýaşaýyş daragtyna barýan ýo-
ly goramak üçin, bagyň gündogarynda
keruplar [ç] hem-de aýlanyp duran ýalynly
gylyjy goýdy.

## 4-nji bap

### *Kabyl bilen Habyl. Ilkinji ganhorlyk*

1 Adam aýaly Howa ýanaşdy. How
hamyla bolup, Kabyly dogurdy. How:
«Rebbiň kömegi bilen men bir ogul
dünýä inderdim [d]» diýdi. 2 Soňra ol
Kabylyň dogany Habyly dogurdy. Ha-
byl goýun çopany, Kabyl bolsa daýhan
bolup ýetişdi. 3 Birnäçe wagtdan soň
Kabyl topragyň miwesinden Rebbe sa-
daka getirdi. 4 Habyl hem öz sürüsiniň
ilkinji doglanlarynyň semizlerinden
Rebbe sadaka getirdi. Reb Habyly we
onuň sadakasyny kabul etdi. 5 Emma
Reb Kabyly we onuň sadakasyny kabul
etmedi. Kabylyň muňa gaty gahary ge-
lip, ýüzüni sallady. 6 Reb Kabyla şeýle
diýdi: «Näme üçin gaharlanýaň? Näme
ýüzüňi sallaýarsyň? 7 Eger sen dogry iş
etseň, kabul edilmezmiň näme? Eger sen
nädogry iş etseň, günä bosagada peý-
läp ýatandyr; günäniň seniň üstüňden
höküm süresi geler. Ýöne sen günäniň
üstünden agalyk etmelisiň!»
8 Kabyl öz dogany Habyla: «Ýör, çeträge
çykaly» [e] diýdi. Meýdanda Kabyl Habyla
topulyp, ony öldürdi. 9 Reb Kabyldan:

---

[a] **3:16** ***Sen äriňe meýilli bolarsyň*** – ýa-da *Äriňiň üstünden höküm süresiň geler.*
[b] **3:20** ***How*** – bu söz *ýaşaýyş* diýmegi aňladýar.
[ç] **3:24** ***Kerup*** – perişdeleriň bir görnüşi. Sözlüge seret.
[d] **4:1** ***Kabyl… dünýä inderdim*** – ýewreýçe *Kabyl* we *dünýä inderdim* diýen sözleriň aý-
dylyşy meňzeşdir.
[e] **4:8** ***Ýör, çeträge çykaly*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok.

«Doganyň Habyl nirede?» diýip sorady.
Ol: «Habarym ýok, men näme doganymyň
sakçysymy?» diýdi. 10 Reb Kabyla şeýle
diýdi: «Sen nämeler etdiň?! Doganyňyň
gany toprakdan Maňa perýat edýär. 11 In-
di sen näletlendiň we doganyňyň seniň
eliň bilen dökülen ganyny özüne siňdiren
toprakdan mahrum bolduň. 12 Sen näçe
jan çekseň-de, ýer saňa hasyl bermez, sen
ýer ýüzünde gaçgak hem sergezdan bo-
larsyň». 13 Kabyl Rebbe: «Jezam çekerden
agyr. 14 Ine, bu gün Sen meni mes toprakly
ýerden kowduň. Men Seniň huzuryňdan
gizlenip, ýer ýüzünde gaçgak we sergez-
dan bolaryn. Maňa duşan, meni öldürer»
diýdi. 15 Emma Reb oňa: «Ýok! Kabyly öl-
düren adamdan ýedi gezek öç alnar» diýdi.
Reb Kabyla duşanyň ony öldürmezi ýaly,
oňa bellik goýdy. 16 Soňra Kabyl Rebbiň
huzuryndan gidip, Eremiň gündogaryn-
daky Not[a] ýurdunda mesgen tutdy.

17 Kabyl aýalyna ýanaşdy. Onuň aýaly
hamyla bolup, Hanogy dogurdy. Ka-
byl gala bina edip, oňa ogly Hanogyň
adyny dakdy. 18 Hanokdan Irat, Iratdan
Mehuýaýyl, Mehuýaýyldan Metuşaýel,
Metuşaýelden Lemek doguldy. 19 Le-
mek iki aýal aldy: olaryň biriniň ady
Ada, beýlekisiniňki bolsa Sillady. 20 Ada
Ýabaly dogurdy. Ýabal çadyrda ýaşaýan
maldarlaryň atasydy. 21 Onuň dogany-
nyň ady Ýubaldy. Ýubal lira we tüýdük
çalýanlaryň atasydy. 22 Silla Tubal-Ka-
byly dogurdy. Tubal-Kabyl bürünçden
we demirden dürli gurallary ýasaýardy.
Onuň Nagama atly aýal dogany bardy.

23 Lemek aýallaryna şeýle diýdi:
«Eý, Ada we Silla,
maňa gulak asyň!
Aýallarym, sözümi diňläň!
Meni ýaralan adamy öldürerin,
meni uran juwan ýigidi
öldürerin.
24 Kabyl üçin ýedi gezek öç alynsa,
Lemek üçin ýetmiş ýedi gezek
öç alnar».

25 Adam ýene aýalyna ýanaşdy. How
bir ogul dogurdy. Ol: «Kabylyň elinden
ölen Habylyň deregine Reb maňa başga
bir ogul berdi» diýip, onuň adyna Şis[b]
dakdy. 26 Şisden hem bir ogul doguldy;
ol onuň adyna Enoş dakdy. Şol wagt-
dan başlap adamlar Rebbe ybadat edip
başladylar.

## 5-nji bap

### *Adam atanyň nesilleri*

1 Adamyň nesilleri baradaky taryhy
ýazgylar şeýledir. Hudaý ynsany ýara-
danda, ony Öz keşbinde ýaratdy. 2 Hudaý
olary erkek we aýal edip ýaratdy; onsoň
olara pata berip, olary «ynsan» diýip
atlandyrdy. 3 Adam ýüz otuz ýaşyndaka,
ondan öz keşbinde, özüne meňzeş bir
ogul dünýä indi. Ol oglunyň adyna Şis
dakdy. 4 Şis doglandan soň, Adam sekiz
ýüz ýyl ýaşady we ondan ençeme ogul-
-gyz dünýä indi. 5 Şeýdip, Adam jemi
dokuz ýüz otuz ýyl ýaşap dünýäden ötdi.

6 Şis ýüz bäş ýaşyndaka, ondan Enoş
doguldy. 7 Enoş doglandan soň, Şis sekiz
ýüz ýedi ýyl ýaşady we ondan ençeme
ogul-gyz dünýä indi. 8 Şeýdip, Şis jemi
dokuz ýüz on iki ýyl ýaşap dünýäden
ötdi. 9 Enoş togsan ýaşyndaka, ondan
Keýnan doguldy. 10 Keýnan doglandan
soň, Enoş sekiz ýüz on bäş ýyl ýaşady
we ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi.
11 Şeýdip, Enoş jemi dokuz ýüz bäş ýyl

[a] **4:16** ***Not*** – bu söz *sergezdan* diýmegi aňladýar.
[b] **4:25** Ýewreýçe *Şis* we *berdi* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

ýaşap dünýäden ötdi. 12 Keýnan ýetmiş
ýaşyndaka, ondan Mahalalel doguldy.
13 Mahalalel doglandan soň, Keýnan sekiz
ýüz kyrk ýyl ýaşady we ondan ençeme
ogul-gyz dünýä indi. 14 Şeýdip, Keýnan
jemi dokuz ýüz on ýyl ýaşap dünýäden
ötdi. 15 Mahalalel altmyş bäş ýaşyndaka,
ondan Ýeret doguldy. 16 Ýeret doglandan
soň, Mahalalel sekiz ýüz otuz ýyl ýaşady
we ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi.
17 Şeýdip, Mahalalel jemi sekiz ýüz tog-
san bäş ýyl ýaşap dünýäden ötdi. 18 Ýeret
ýüz altmyş iki ýaşyndaka, ondan Hanok
doguldy. 19 Hanok doglandan soň, Ýeret
sekiz ýüz ýyl ýaşady we ondan ençeme
ogul-gyz dünýä indi. 20 Şeýdip, Ýeret jemi
dokuz ýüz altmyş iki ýyl ýaşap dünýä-
den ötdi. 21 Hanok altmyş bäş ýaşyndaka,
ondan Metuşela doguldy. 22 Metuşela
doglandan soň, Hanok ýene üç ýüz ýyl
ýaşady we Hudaýyň huzurynda gezdi.
Ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi.
23 Şeýdip, Hanogyň ýaşan günleri üç ýüz
altmyş bäş ýyl boldy. 24 Hanok Hudaýyň
huzurynda gezdi; soňra ol birdenkä ga-
ýyp boldy, sebäbi Hudaý ony Öz ýanyna
alypdy. 25 Metuşela ýüz segsen ýedi ýa-
şyndaka, ondan Lemek doguldy.

26 Lemek doglandan soň, Metuşela ýe-
di ýüz segsen iki ýyl ýaşady we ondan
ençeme ogul-gyz dünýä indi. 27 Şeýdip,
Metuşela jemi dokuz ýüz altmyş dokuz
ýyl ýaşap dünýäden ötdi. 28 Lemek ýüz
segsen iki ýaşyndaka, ondan bir ogul
dünýä indi. 29 Lemek: «Rebbiň topragy
näletländigi sebäpli, biz agyr zähmet
çekmeli bolýarys. Bu çaga biziň elimize
agyr zähmet çekmekden teselli berer»
diýip, onuň adyna Nuh [a] dakdy. 30 Nuh
doglandan soň, Lemek bäş ýüz togsan
bäş ýyl ýaşady we ondan ençeme ogul-
-gyz dünýä indi. 31 Şeýdip, Lemek jemi
ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýyl ýaşap dünýäden
ötdi. 32 Nuh bäş ýüz ýaşyndaka, ondan
Sam, Ham we Ýafes dünýä indi.

## 6-njy bap

### *Adamzadyň betpälligi*

1 Bütin dünýäde adamlar köpelip baş-
lap, olardan ençeme gyzlar dünýä indi.
2 Ylahy barlyklar [b] bu ynsan gyzlarynyň
owadanlygyny görüp, olardan öz halan-
laryny aýallyga aldylar. 3 Şol sebäpli Reb:
«Men adamzady ebedilik ýaşatmaryn,
çünki olar tendir; onuň ömri ýüz ýigrimi
ýyl bolar» diýdi. 4 Şol zamanda hatda
ondan gijräkki döwürlerde-de, dünýäde
nefiller [ç] bardy. Olar ylahy barlyklar bilen
ynsan gyzlarynyň nesilleridi. Nefiller
gadym eýýamdan bäri belli, at-abraýly
gahrymanlardy.

5 Reb bütin dünýädäki adamzadyň
betpälliginiň juda çökderdigini, olaryň
kalbyndaky oý-pikirleriniň we niýetle-
riniň hemişe pislikden doludygyny gördi.
6 Ol adamzady ýaradandygyna ökündi
we ýürekden gynandy. 7 Reb «Öz ýara-
dan ynsanlarymy haýwanlar, süýrenijiler
we guşlar bilen birlikde ýer ýüzünden
süpürip taşlaryn. Çünki Men olary ýa-
radandygyma ökünýärin» diýdi. 8 Ýöne
Nuh Rebbiň nazarynda merhemet tapdy.

### *Nuh*

9 Nuhuň maşgalasynyň kyssasy
şeýledir. Nuh öz döwürdeşleriniň ara-
synda dogruçyl hem takwa adamdy. Ol

---

[a] **5:29** Ýewreýçe *Nuh* we *teselli* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **6:2** ***Ylahy barlyklar*** – sözme-söz terjimesi: *Hudaý ogullary.*
[ç] **6:4** ***Nefiller*** – haýbatly we güýçli adamlar. Sözlüge seret.

Hudaýyň huzurynda gezdi. [10]Nuhuň
Sam, Ham, Ýafes atly üç ogly bardy.
[11]Hudaýyň nazarynda ýer ýüzi az-
gynçylykdan we zulumdan doludy.
[12]Hudaý ýer ýüzündäki ähli janly-jandar-
laryň azgynçylyga ýüz urandygyny gördi.
[13]Hudaý Nuha şeýle diýdi: «Men bütin
janly-jandarlaryň soňuna çykjak, çünki
olar zerarly ýer ýüzi zulumdan doldy.
Men olary ýer bilen bile ýok etjek. [14]Özü-
ňe serwi agajyndan bir gämi ýasa; onda
otaglar ýasap, gämä içinden hem daşyn-
dan şepbik çal. [15]Gämini şeýle ýasamaly:
onuň uzynlygy üç ýüz, giňligi elli we be-
ýikligi otuz tirsek bolsun. [16]Oňa üçek-de[a]
ýasa, üçegiň boýy bir tirsek bolsun; gämi-
niň gapysyny gapdaldan aç. Gämini aşaky,
ortaky we üstki gatlardan ybarat edip ýasa.
[17]Ine, Men bolsa ýer ýüzüne sil gönderip,
gökleriň astyndaky burnunda dirilik ne-
pesi bolan janly-jandarlaryň ählisini ýok
etjekdirin; ýer ýüzündäki zatlaryň barysy
öler. [18]Emma Men seniň bilen äht baglaşa-
ryn. Sen ogullaryň, aýalyň hem gelinleriň
bilen gämä münersiň. [19]Diri galmaklary
üçin, bir erkek, bir urkaçy edip, jandarla-
ryň-da her görnüşinden bir jübütini gämä
alyp mün. [20]Diri galmak üçin guşlaryň,
mallaryň we süýrenijileriň hersi öz taýy
bilen jübüt-jübüt bolup, seniň bilen gämä
münerler. [21]Şeýle hem sen özüňe hem ähli
haýwanlara iýmit bolar ýaly öz ýanyň bi-
len dürli-dümen azyk-owkat alyp mün».
[22]Nuh Hudaýyň buýran zatlarynyň hem-
mesini ýerine ýetirdi.

## 7-nji bap

### *Nuh gämä münýär*

[1]Reb Nuha şeýle diýdi: «Ähli maşga-
laň bilen gämä mün, çünki Men seniň
döwürdeşleriňiň içinden diňe seniň
dogruçyl adamdygyňy gördüm. [2-3]Haý-
wanlaryň tohumlaryny ýer ýüzünde diri
saklamak üçin, olaryň halal görnüşleri-
niň erkeginden we urkaçysyndan ýedi
jübüt, haram görnüşleriniň erkeginden
we urkaçysyndan bir jübüt, şeýle hem
guşlaryň erkeginden we urkaçysyn-
dan ýedi jübüt al. [4]Çünki Men ýedi
günden kyrk gije-gündizläp ýere ýagyş
ýagdyryp, Öz ýaradan janly-jandarla-
rymyň ählisini ýer ýüzünden süpürip
taşlajakdyryn». [5]Nuh Rebbiň buýran
zatlarynyň hemmesini berjaý etdi. [6]Ýe-
re sil gelende, Nuh alty ýüz ýaşyndady.
[7]Nuh, onuň ogullary, aýaly we gelinleri
silden gutulmak üçin gämä mündüler.
[8-9]Hudaýyň Nuha buýruşy ýaly, halal we
haram haýwanlar, guşlardyr süýrenijiler
erkek we urkaçy jynsynda jübüt-jübüt
bolup, Nuh bilen gämä mündüler. [10]Ýedi
günden soň ýer ýüzüni sil aldy.
[11]Nuhuň ömrüniň alty ýüzünji ýylynyň
ikinji aýynyň on ýedinji güni – hut şol
gün düýpsüz çuňlugyň ähli çeşmeleri
böwsüldi, asman suw bentleri kimin
açyldy. [12]Kyrk gije-gündizläp, ýer ýü-
züne dynman ýagyş ýagdy. [13]Şol gün
Nuh, onuň ogullary Sam, Ham, Ýafes,
Nuhuň aýaly hem-de gelinleri gämä
mündüler. [14-15]Ähli haýwanlar, mallar,
süýrenijiler we guşlar – ähli ganat-per-
liler hersi öz taýyna görä, burnunda
dirilik nepesi bolan janly-jandarlaryň
hemmesi jübüt-jübüt bolup, Nuh bilen
gämä mündüler. [16]Ähli erkek hem urkaçy
janly-jandarlar Hudaýyň Nuha buýruşy
ýaly gämä mündüler. Onsoň Reb gämi-
niň gapysyny ýapdy. [17]Ýer ýüzünde sil
kyrk gün dowam etdi. Suw gitdigisaýy
joşdy we gämi ýerden ýokary göterildi.

[a] **6:16** ***Üçek*** – ýa-da *penjire.*

18 Ýerde suw joşup, juda köpeldi; gämi
suwda ýüzüp ýördi. 19 Suw ýerde şeýle
bir joşdy welin, hatda ýer ýüzündäki
bar belent daglar-da suwuň aşagyn-
da galdy. 20 Suw daglaryň depesinden
on bäş tirsek ýokary galdy; daglaryň
üsti suw bilen örtüldi. 21 Ýer ýüzünde
hereket edýän janly-jandarlaryň ähli-
si, guşlar-da, mallardyr haýwanlar-da,
süýrenijilerdir ynsanlar-da ýok boldular.
22 Gury ýerdäki burnunda dirilik nepesi
bolan janly--jandarlaryň hemmesi öldi.
23 Reb ýer ýüzündäki ähli janly-jandar-
lary süpürip taşlady; ynsanlar, mallar,
haýwanlar, süýrenijiler we guşlar ýer ýü-
zünden süpürilip taşlandy. Diňe Nuh we
onuň ýanyndakylar diri galdylar. 24 Tutuş
ýer ýüzüni ýüz elli günläp sil aldy.

## 8-nji bap

### *Nuh gämiden çykýar*

1 Nuh hem-de onuň bilen gämide bolan
haýwanlardyr mallaryň ählisini Hudaý
ýatdan çykarmandy. Hudaý ýerde şemal
öwüsdirdi; suw çekilmäge başlady.

2 Düýpsüz çuňlugyň çeşmeleri
beklendi,
Gökleriň penjireleri ýapyldy,
Gökdäki ýagyş diňdi.

3 Suw ýer ýüzünden kem-kemden çe-
kildi; ýüz elli günden soň suw peseldi.
4 Gämi ýedinji aýyň on ýedisi güni Ararat
daglarynda saklandy. 5 Onunjy aýa çenli
suw peselmegini dowam etdi; onunjy
aýyň biri güni daglaryň başy göründi.

6-7 Kyrk günden soň Nuh öz ýasan
gämisiniň penjiresini açdy-da, bir gar-
gany çykaryp, uçuryp goýberdi; garga
tä ýer guraýança uçup gezibergi. 8 Soňra
suwuň ýerden doly çekilendigini ýa-da
çekilmändigini bilmek üçin Nuh bir
kepderini uçuryp goýberdi. 9 Kepderi
gonara ýer tapman, onuň ýanyna gämä
dolanyp geldi, çünki ýeriň ýüzi entek
hem suw bilen örtülendi. Nuh elini uza-
dyp kepderini tutdy-da, ony öz ýanyna
gämä aldy. 10 Nuh ýedi gün garaşandan
soň, ýene-de kepderini uçuryp goýberdi.
11 Kepderi agşam onuň ýanyna dolanyp
geldi. Bu gezek onuň agzynda zeýtun
agajynyň täze ýolnan ýapragy bardy.
Nuh suwuň ýerden çekilendigine göz
ýetirdi. 12 Ol ýene ýedi gün garaşandan
soň, kepderini üçünji gezek iberdi. Kep-
deri bu sapar yzyna dolanmady.

13 Nuhuň ömrüniň alty ýüz birinji ýy-
lynyň ilkinji aýynyň birine suw ýerden
çekilipdi. Nuh gäminiň üçegini söküp,
daş-töweregine seretdi; ýeriň ýüzi sary-
gypdy. 14 Ikinji aýyň ýigrimi ýedisine ýer
bütinleý gurady. 15-17 Reb Nuha: «Aýalyň,
ogullaryň we gelinleriň bilen gämiden
çyk. Ýanyňda bar bolan janly-jandarla-
ryň ählisini – ähli haýwanlary: guşlary,
mallary, süýrenijileri özüň bilen gämiden
alyp çyk. Goý, olar ýeriň ýüzüne ýaýrap,
örňäp köpelsinler» diýdi. 18 Nuh aýaly,
ogullary we gelinleri bilen gämiden çyk-
dy. 19 Ähli haýwanlar, ähli süýrenijiler,
ähli guşlar – ýer ýüzünde hereket edýän
bütin jandarlar öz görnüşleri bilen gä-
miden çykdylar. 20 Nuh Rebbe gurbanlyk
sypasyny gurdy; ol halal haýwanlardyr
guşlaryň birnäçesini aldy-da, olary gur-
banlyk sypasynyň üstünde goýup, Rebbe
ýakma gurbanlyk berdi. 21 Reb ýakym-
ly ysy alyp, Öz ýanyndan şeýle diýdi:
«Mundan beýläk ýer hiç haçan ynsan
zerarly näletlenmez, çünki onuň kalbyn-
daky päli-niýeti ýaşlygyndan bäri pisdir.
Men indi hiç haçan bütin janly-jandarlary
şu edişim ýaly heläklemerin. 22 Indiden
beýläk ýerde ekişdir orumyň, aňzak-
dyr jöwzanyň, tomusdyr gyşyň hem-de
gije-gündiziň ömürboýy yzy üzülmez».

## 9-njy bap

### *Hudaý Nuh bilen äht edýär*

1 Hudaý Nuha hem-de onuň ogulla-
ryna şeýle pata berdi: «Örňäň, köpeliň,
ýer ýüzüni dolduryň. 2 Ähli haýwanlar,
guşlar, süýrenijiler we balyklar sizden
juda gorkuda ýaşarlar; olaryň hemmesi
siziň ygtyýaryňyza berilýär. 3 Janly-jan-
darlaryň ählisi size iýmit bolar; edil
gök ösümlikleri berşim ýaly, olaryň
hemmesini Men size berýärin. 4 Ýöne
olaryň etini gany bilen iýmäň. Jan gan-
dadyr. 5 Siziň ganyňyzy dökene ölüm
jezasyny bererin. Adam öldüren islendik
haýwana ýa-da ynsana Men jeza bererin.
6 Kimde-kim bir ynsanyň ganyny dökse,
onuň gany hem ynsan tarapyndan dökül-
sin. Çünki Hudaý ynsany Öz keşbinde
ýaradandyr. 7 Siz örňäp, köpeliň we ýer
ýüzüne ýaýraň».
8 Hudaý Nuha we onuň ogullaryna ýüz-
lenip, şeýle diýdi: 9-10 «Men indi siz we
sizden soňky geljek nesliňiz bilen, şeýle
hem siziň bilen gämiden çykan ähli jan-
darlar: guşlar, mallar we ýer ýüzündäki
haýwanlaryň bary bilen äht baglaşýa-
ryn. 11 Men siziň bilen äht baglaşýaryn.
Indi hiç haçan bütin janly-jandarlar sil
bilen heläklenmez we tutuş ýer ýüzüni
weýran etjek sil gelmez. 12 Meniň siz
hem-de siziň bilen bolan ähli jandar-
lar bilen nesilden-nesle edýän ebedilik
ähtimiň nyşany şudur: 13 bulutlaryň ara-
synda ýerleşdiren älemgoşarym Meniň
dünýä bilen eden ähtimiň nyşany bolar.
14-15 Ýeriň ýüzüni bulut örtüp, bulutla-
ryň arasynda älemgoşar görnende, Men
siziň we ähli janly-jandarlar bilen eden
ähtimi ýatlaryn. Mundan beýläk Men
hiç haçan bütin janly-jandarlary sil bilen
heläklemerin. 16 Bulutlarda älemgoşar
peýda bolan mahaly ony görüp, Men ýer
ýüzüniň ähli janly-jandarlary bilen eden
baky ähtimi ýatlaryn». 17 Hudaý Nuha:
«Ýer ýüzündäki ähli janly-jandarlar bi-
len Meniň baglaşan ähtimiň nyşany, ine,
şudur» diýdi.

### *Nuh we onuň ogullary*

18 Sam, Ham, Ýafes Nuhuň gämiden
çykan ogullarydy. (Ham Kenganyň ata-
sydy.) 19 Nuhuň üç ogly şulardy. Tutuş
ýer ýüzüniň ynsanlary şulardan ýaý-
rady. 20 Nuhuň özi daýhandy. Ol ilki
bilen üzüm agaçlaryny oturtdy. 21 Ol
şerap içip, ondan serhoş bolup, öz ça-
dyrynyň ortarasynda ýalaňaç ýatyrdy.
22 Kenganyň kakasy Ham öz kakasynyň
ýalaňaçdygyny görüp, muny beýleki iki
doganyna habar berdi. 23 Sam bilen Ýa-
fes geýim alyp, ony omuzlaryna atdylar
we ýeňseleýin ýöräp baryp, kakalary-
ny geýindirdiler. Olar ýüzlerini başga
tarapa öwrüp, kakalarynyň ýalaňaçly-
gyny görmediler. 24 Nuh serhoşlygyndan
açylansoň, körpe oglunyň özüne näme
edendigine göz ýetirip şeýle diýdi:

25 «Kengana nälet siňsin,
ol doganlarynyň elinde,
gullaryň guly bolsun.
26 Samyň Hudaýy Rebbe alkyş
bolsun!
Kengan Sama gul bolsun.
27 Hudaý Ýafesi örňetsin[a],
Ýafesiň nesilleri Samlaryň
çadyrlarynda ýaşasyn,
Kengan Ýafese gul bolsun».

28 Nuh silden soň ýene üç ýüz elli ýyl
ýaşady. 29 Ol jemi dokuz ýüz elli ýaşap
dünýäden ötdi.

---

[a] **9:27** Ýewreýçe *Ýafes* we *örňetsin* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

## 10-njy bap

### *Nuhdan dörän milletler*

1 Nuhuň ogullary Samyň, Hamyň hem-de Ýafesiň nesilleri şulardyr. Silden soň olardan şu çagalar doguldy.

2 Ýafesiň nesilleri: Gomer, Magok, Madaý, Ýawan, Tubal, Meşek we Tiras. 3 Gomeriň nesilleri: Aşkenaz, Ripat we Togarma. 4 Ýawanyň nesilleri: Elişa, Tarşyş, Kitim we Dodanym. 5 Bulardan deňiz ýakasynda ýaşaýan milletler ýaýrady. Ine, Ýafesiň nesilleri şulardy. Olaryň hersi öz milletlerine görä, öz ýurtlarynda mesgen tutup, her tiräniň özüne mahsus bolan dili bardy.

6 Hamyň nesilleri: Kuş, Müsür, Put we Kengan. 7 Kuşuň nesilleri: Seba, Hawyla, Sabta, Ragama we Sabteka. Ragamanyň nesilleri: Şeba we Dedan. 8 Kuşdan ýene Nimrot doguldy; ol ýer ýüzünde ilkinji edermen urşujydy. 9 Nimrot Rebbiň huzurynda batyr awçy bolup ýetişdi. Şol sebäpden hem il arasynda: «Rebbiň huzuryndaky Nimrot ýaly batyr awçy» diýilýär. 10 Başda Nimrodyň şalygy Şingar ýurdundaky Babyl, Erek, Akat hem Kalne galalarynyň dördüsini öz içine alýardy. 11-12 Nimrot ol ýurtdan Aşura çykyp, Ninewäni, Rehobotiri, Kalany hem-de Ninewe bilen beýik gala bolan Kalanyň aralygyndaky Reseni bina etdi. 13-14 Müsür lutlaryň, anamlaryň, lehablaryň, naptuhlaryň, patruslaryň, kasluhlaryň we kaptorlaryň atasydy; kasluhlardan hem piliştliler gelip çykdy. 15-18 Kengandan onuň nowbahar ogly Sidon, soňra Het doguldy. Kengan ýabuslaryň, amorlaryň, girgaşlaryň, hiwileriň, arklaryň, sinleriň, arwatlaryň, semarlaryň we hamatlaryň hem atasydy. Soňra Kengan tireleri dumly-duşa ýaýradylar. 19 Olaryň araçägi Sidondan Gerara hem-de Gaza çenli, Gazadan Sodoma, Gomora, Adma, Seboýyma we Laşa çenli baryp ýetdi. 20 Ine, Hamyň nesilleri şulardy. Olaryň hersi öz milletlerine görä, öz topraklarynda mesgen tutup, her tiräniň özüne mahsus bolan dili bardy.

21 Ýafesiň agasy Samdan-da ençeme ogul dünýä indi. Ol ýewreýleriň[a] atasydy. 22 Eýlam, Aşur, Arpakşat, Lut we Aram Samyň nesilleridir. 23 Us, Hul, Geter we Maş Aramyň nesilleridir. 24 Arpakşatdan Şela, Şeladan Eber doguldy. 25 Eberden iki ogul dünýä indi, olaryň biriniň ady Pelekdi, onuň döwründe dünýädäki halk bölünipdi[b]; onuň doganynyň ady Ýoktandy. 26 Ýoktandan Almodat, Şelep, Hasarmawet, Ýera, 27 Hadoram, Uzal, Dikla, 28 Obal, Abymaýyl, Şeba, 29 Opyr, Hawyla we Ýobap doguldy. Bularyň hemmesi Ýoktanyň nesilleridir. 30 Olar Meşa bilen Separ aralygyndaky gündogar daglarda mesgen tutdular. 31 Ine, Samyň nesilleri şulardy. Olaryň hersi öz milletlerine görä öz topraklarynda mesgen tutup, her tiräniň özüne mahsus bolan dili bardy.

32 Nuhuň ogullaryndan milletleri boýunça emele gelen tireler şulardyr. Silden soň olardan ençeme milletler döräp, olar tutuş ýer ýüzüne ýaýradylar.

## 11-nji bap

### *Babyl minarasy*

1 Tutuş ýer ýüzünde bir dil, birmeňzeş sözler bardy. 2 Adamlar gündogardan göçüp barýarkalar, Şingar ýurdunda

---

[a] **10:21** ***Ýewreýleriň*** – ýa-da *Eberiň ähli nesilleriniň.*

[b] **10:25** Ýewreýçe *Pelekdi* we *bölünipdi* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

bir düzlügiň üstünden gelip, şol ýerde
mesgen tutdular. 3 Olar biri-birlerine:
«Geliň, kerpiç ýasap, ony gowy bişireliň»
diýişdiler. Olar gurluşyk üçin daşyň ýe-
rine kerpiç, palçygyň ýerine bolsa şepbik
ulandylar. 4 Soňra olar: «Ýer ýüzüne da-
gaman, özümizden bir at galdyrarymyz
ýaly, geliň, bir gala we depesi göge ýetip
duran minara guralyň» diýişdiler. 5 Reb
ynsanlaryň gurýan galasyny hem-de mi-
narasyny görmek üçin aşak indi. 6 Reb:
«Görsene, olar bir halk, olaryň dilleri-de
bir. Bu olaryň niýetiniň başlangyjydyr;
olar indi öz göwünlerine gelen zatlaryny
etmekden saklanmazlar. 7 Geliň, aşak
ineliň-de, biri-biriniň gepine düşünmez
ýaly, olaryň dilini garyşdyralyň» diýdi.
8 Şeýdip, Reb ynsanlary bütin ýer ýüzü-
ne dargatdy; olar gala gurmalaryny bes
etdiler. 9 Şoňa görä-de, şol gala Babyl
diýip at dakyldy, çünki Reb şol ýerde
ähli ynsanlaryň dilini garjaşdyryp [a],
olary bütin ýer ýüzüne dargadypdy.

### *Samyň nesilleri*

10 Samyň nesilleri şulardyr. Silden iki
ýyl soňra, Sam ýüz ýaşyndaka, ondan
Arpakşat doguldy. 11 Arpakşat doglan-
dan soň, Sam ýene bäş ýüz ýyl ýaşady
we ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi.
12 Arpakşat otuz bäş ýaşyndaka, ondan
Şela doguldy. 13 Arpakşat Şela doglandan
soň ýene dört ýüz üç ýyl ýaşady we ondan
ençeme ogul-gyz dünýä indi. 14 Şela otuz
ýaşyndaka, ondan Eber doguldy. 15 Şela
Eber doglandan soň ýene dört ýüz üç
ýyl ýaşady we ondan ençeme ogul-gyz
dünýä indi. 16 Eber otuz dört ýaşyndaka,
ondan Pelek doguldy. 17 Pelek doglandan
soň Eber ýene dört ýüz otuz ýyl ýaşady
we ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi.
18 Pelek otuz ýaşyndaka, ondan Reguw
doguldy. 19 Reguw doglandan soň Pelek
ýene iki ýüz dokuz ýyl ýaşady we ondan
ençeme ogul-gyz dünýä indi. 20 Reguw
otuz iki ýaşyndaka, ondan Seruk doguldy.
21 Seruk doglandan soň Reguw ýene iki
ýüz ýedi ýyl ýaşady we ondan ençeme
ogul-gyz dünýä indi. 22 Seruk otuz ýa-
şyndaka, ondan Nahor doguldy. 23 Nahor
doglandan soň Seruk ýene iki ýüz ýyl
ýaşady we ondan ençeme ogul-gyz dünýä
indi. 24 Nahor ýigrimi dokuz ýaşyndaka,
ondan Tera doguldy. 25 Tera doglandan
soň Nahor ýene ýüz on dokuz ýyl ýaşady
we ondan ençeme ogul-gyz dünýä indi.
26 Tera ýetmiş ýaşyndaka, ondan Ybram,
Nahor hem-de Haran doguldy.

### *Teranyň nesilleri*

27 Teranyň nesilleri şulardyr. Teradan
Ybram, Nahor we Haran doguldy. Ha-
randan Lut doguldy. 28 Haran öz dogduk
mekanynda, babyllylaryň Ur galasynda
kakasy Tera dirikä aradan çykdy. 29 Ybram
bilen Nahor öýlendiler; Ybramyň aýaly-
nyň ady Seraý, Nahoryňky bolsa Milkady.
Milka Haranyň gyzydy. Haran Iskanyň
hem kakasydy. 30 Seraý önelgesizdi; onuň
çagasy ýokdy. 31 Tera ogly Ybramy, agtygy
Haranyň ogly Luty, gelni bolan Ybramyň
aýaly Seraýy öz ýanyna alyp, Kengan
topragyna gitmek üçin babyllylaryň Ur
galasyndan çykyp gaýtdy. Olar Harana
gelip, şol ýerde mesgen tutdular. 32 Tera iki
ýüz bäş ýaşynda Haranda aradan çykdy.

## 12-nji bap

### *Reb Ybramy saýlaýar*

1 Reb Ybrama şeýle diýdi: «Öz ýur-
duňy, kowumdaşlaryňy we ataňyň

---

[a] **11:9** Ýewreýçe *Babyl* we *garjaşdyryp* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

hojalygyny taşla-da, Meniň saňa gör-
kezjek ülkäme git.

2 Senden beýik millet ýaradyp,
Men seni ýalkaryn,
adyňy arşa götererin,
başgalar sen arkaly ýalkanarlar
biri-birlerine pata bererler.
3 Seni ýalkany ýalkaryn,
seni näletläni-de näletlärin;
Ýer ýüzündäki ähli milletler
sen arkaly pata alarlar».

4 Ybram Rebbiň aýdyşy ýaly ýola düşdi.
Lut hem onuň bilen bile gitdi. Haran-
dan çykyp gaýdanda, Ybram ýetmiş
bäş ýaşyndady. 5 Ol aýaly Seraýy, do-
ganynyň ogly Luty hem-de Harandaky
ähli mal-mülküni we gullaryny alyp,
Kengan ýurduna tarap ýola düşdi. Olar
Kengana geldiler. 6 Ybram Kenganyň içi
bilen Şekemiň golaýyndaky Moredäki
dub agajyna çenli gitdi. Ol döwürlerde
kenganlar şol ýerde ýaşaýardylar.

7 Reb Ybrama görnüp: «Men şu ýurdy
seniň nesliňe berjek» diýdi. Ybram ol
ýerde özüne görnen Rebbe gurbanlyk
sypasyny ýasady. 8 Soňra ol ýerden Beý-
teliň gündogaryndaky daglyga tarap
gitdi. Ol günbatardaky Beýtel we gün-
dogardaky Aý galalarynyň arasynda öz
çadyryny dikdi. Ybram ol ýerde Reb-
be gurbanlyk sypasyny ýasap, Rebbe
ybadat etdi. 9 Soňra ol bir ýerden başga
ýere göçüp-gonup, günorta tarap ýoluny
dowam etdirdi.

### *Ybram bilen Seraý Müsürde*

10 Kenganda gazaply açlyk başlandy.
Şoňa görä, açlyk gutarýança, Ybram
wagtlaýyn Müsüre gitdi. 11 Olar Müsüre
golaýlanlarynda, Ybram aýaly Seraýa:
«Men seniň juda owadan aýaldygyňy
bilýärin. 12 Müsürliler seni görüp: „Bu
onuň aýaly“ diýerler; onsoň olar meni
öldürerler, seni bolsa diri galdyrarlar.
13 Olaryň sen üçin maňa ýagşylyk ederle-
ri we seniň üstüň bilen meniň janymyň
halas bolary ýaly, sen olara: „Men onuň
aýal dogany“ diý» diýdi.

14 Ybram Müsüre gelende, müsürliler
Seraýyň juda owadandygyny gördü-
ler. 15 Seraýy gören faraonyň köşk
emeldarlary faraona Seraýyň gözelli-
gini tarypladylar. Hatyn köşge äkidildi.
16 Seraýyň hatyrasyna faraon Ybrama
ýagşylyk etdi. Ol Ybrama dowarlar,
öküzler, eşekler, gul-gyrnaklar we dü-
ýeler berdi. 17 Reb Ybramyň aýaly Seraý
sebäpli faraon we onuň köşgündäki
adamlara elhenç keseller bilen ejir çek-
dirdi. 18 Şonda faraon Ybramy ýanyna
çagyryp: «Meni nä günlere saldyň?!
Seraýyň öz aýalyňdygyny näme üçin
maňa aýtmadyň? 19 Näme üçin sen „Ol
meniň aýal doganym“ diýdiň? Men Se-
raýy özüme aýallyga aldym-a! Ine, seniň
aýalyň, ony al-da, gümüňi çek!» diýdi.
20 Faraon Ybram barada öz adamlaryna
buýruk berdi. Olar Ybramy aýalydyr
bar emlägi bilen Müsürden öz ýoluna
ugratdylar.

## 13-nji bap

1 Ybram aýalyny hem ähli emlägini
alyp, Müsürden çykyp, Negep çölüne
gitdi. Lut hem onuň ýanyndady.

### *Ybram bilen Lut biri-birinden aýrylyşýarlar*

2 Ybram juda baýdy. Onuň süri-süri
ownukly-irili mallary, altyn-kümüşleri
bardy. 3-4 Ybram Negep çölünden gaýtdy
we bir ýerden başga ýere göçüp-gonup,
Beýtele ýetdi. Ol Beýtel bilen Aýyň
aralygyndaky öňki çadyr diken ýerine
bardy we öňki ýasan gurbanlyk sypasy-
nyň ýanynda Rebbe ybadat etdi.

5 Ybram bilen bile gelen Lutuň hem
ownukly-irili mallary we çadyrlary bar-
dy. 6 Mallary juda köp bolansoň, olara
öri darlyk etdi. Şol sebäpli hem olar bile
ýaşap biljek däldiler. 7 Şeýdip, Ybramyň
çopanlary bilen Lutuň çopanlarynyň ara-
synda dawa-jenjel turdy. Şol döwürlerde
kenganlar bilen perizler hem Kengan
topragynda ýaşaýardylar. 8 Şonda Ybram
Luta: «Öz aramyzda-da, çopanlarymy-
zyň arasynda-da dawa-jenjel bolmasyn.
Biz garyndaşdyrys. 9 Ine, tutuş ýurt seniň
öňüňde ýaýylyp ýatyr. Biz aýrylyşaly.
Sen saga gitseň, men sola giderin, sen
sola gitseň, men saga giderin» diýdi.
10 Lut daş-töweregine göz aýlap, Ior-
dan deresiniň Sogara çenli edil Rebbiň
bagy, Müsür topragy ýaly, bu ýeriň bol
suwdan ganandygyny gördi. Bu Rebbiň
Sodomy we Gomorany weýran etmezin-
den öňdi. 11 Lut özüne Iordan deresini
saýlap alyp, gündogara tarap ýola ro-
wana boldy. Şeýdip, olar aýrylyşdylar.
12 Ybram Kenganda, Lut bolsa Iordan
deresindäki galalarda düşlediler. Lut
çadyryny Sodomyň çetinde dikdi. 13 So-
domyň halky pis işleri bilen Rebbe garşy
uly günä etdiler.

### *Ybram Hebrona göçýär*

14 Lut aýrylyp gidenden soň, Reb Ybra-
ma şeýle diýdi: «Häzirki oturan ýeriňden
demirgazyga we günorta, gündogara we
günbatara gözüňi aýla. 15 Görýän tutuş
ýurduňy Men saňa hem-de seniň nesliňe
ebedilik berjekdirin. 16 Seniň nesliňi edil
ýeriň çägeleri kimin san-sajaksyz ederin.
Eger ýeriň çägeleri sanalyp bilinýän bol-
sa, onda seniň nesliň-de sanalyp bilner.
17 Bar, özüňe beriljek topraga boýdan-ba-
şa aýlanyp çyk. Men ony saňa berjek».
18 Şeýdip, Ybram göçüp, Hebronyň go-
laýyndaky Mamräniň dub tokaýjygyna
geldi we şol ýerde düşläp, Rebbe gur-
banlyk sypasyny ýasady.

## 14-nji bap

### *Ybram Luty halas edýär*

1 Omrapel Şingaryň, Arýok Elasaryň,
Kedorlagomer Eýlamyň, Tidal bolsa
Goýimiň patyşasydy. 2 Bular Sodom şasy
Beranyň, Gomora şasy Birşanyň, Adma
şasy Şinabyň, Seboýym şasy Şemeberiň
we Sogar diýip atlandyrylýan Bala şa-
synyň garşysyna urşa başladylar. 3 Olar
Siddim deresinde, ýagny Öli deňizde öz
güýçlerini birleşdirdiler. 4 Bu şalar on iki
ýyllap, Kedorlagomere gulluk etdiler, on
üçünji ýyl bolsa oňa garşy baş göterdi-
ler. 5-6 On dördünji ýylda Kedorlagomer
we onuň bilen birleşen şalar, Aşterot-
karnaýymda rapalary, Hamda zuzylary,
Şawekirýataýymda eýmimleri we çöl
etegindäki Eýlparana çenli uzalyp gidýän
Segir daglarynda horylary derbi-dagyn
etdiler. 7 Olar Segir daglaryndan yzlary-
na öwrülip, Eýnmişpat (ýagny Kadeş)
galasyna geldiler we amalekleriň tutuş
topragyny basyp alyp, Haseson Tamar-
da ýaşaýan amorlary-da ýeňlişe sezewar
etdiler. 8-9 Onsoň Sodom, Gomora, Adma,
Seboýym we Bala, ýagny Sogar şalary
söweş meýdanyna çykdylar we bäş şa
bolup, Siddim deresinde dört şanyň: Eý-
lam şasy Kedorlagomeriň, Goýim şasy
Tidalyň, Şingar şasy Omrapeliň, Elasar
şasy Arýogyň garşysyna söweşe girdiler.
10 Siddim deresi içi şepbikli çukurlar-
dan doludy. Sodom bilen Gomora şalary
gaçyp barýarkalar, olaryň adamlaryndan
käbirleri şol çukurlara ýykyldylar, beý-
lekileri bolsa daglara gaçdylar. 11 Dört şa
bolsa Sodomy we Gomorany talap, olja
alan ähli mal-mülküdir azyklaryny alyp
gitdiler. 12 Olar Ybramyň doganynyň

ogly Luty-da ähli mal-mülki bilen bile
äkitdiler. Ol hem Sodomda ýaşaýardy.
13 Gaçyp gutulanlardan biri gelip, bo-
lan wakany Ybram ýewreýe habar berdi.
Şol wagtlar Ybram Eşkol bilen Aneriň
dogany amor Mamräniň dub tokaý-
jygynyň gapdalynda ýaşaýardy. Olar
Ybramyň arkadaşlarydy.
14 Öz doganynyň ogly Lutuň ýesir
düşendigini eşidip, hojalygynda dog-
lup, söweşe türgenleşdirilen üç ýüz on
sekiz sany esgeriň öňüne düşüp, Yb-
ram Dana çenli şol dört şanyň yzyndan
kowdy. 15 Ybram esgerlerini toparlara
bölüp, gije şalaryň üstüne çozup, olary
derbi-dagyn etdi. Soňra Ybram olary
ýene Damaskdan demirgazykda ýerle-
şen Hobaha çenli kowdy. 16 Ybram olja
alan ähli mal-mülküni, doganynyň ogly
Luty, onuň ähli emlägini, aýallary hem
halky yzyna gaýtaryp getirdi.

### *Mäliksadyk Ybrama pata berýär*

17 Ybram Kedorlagomeri we onuň
ýanyndaky şalary derbi-dagyn edip
gelenden soň, Sodom şasy ony garşy-
lamak üçin Şawe deresine, ýagny şa
jülgesine gitdi. 18 Beýik Hudaýyň ru-
hanysy bolan Salim şasy Mäliksadyk
Ybrama çörek bilen şerap getirdi. 19 Ol
Ybrama pata berip:

«Ýeri-gögi ýaradan Beýik Hudaý
Ybramy ýalkasyn!
20 Duşmanlaryny onuň eline beren
Beýik Hudaýa alkyş bolsun!»
diýdi.

Ybram ähli zadyň ondan birini Mä-
liksadyga berdi. 21 Onsoň Sodom şasy
Ybrama: «Meniň adamlarymy yzyna
ber, ähli mal-mülki bolsa özüň al» diýdi.
22-23 Ybram Sodom şasyna şeýle diýdi:
«„Ybramy men gurplandyrdym“ diýme-
ziň ýaly, saňa degişli zatlaryň hiç birini,
hatda bir guşajygy ýa-da sapajygy hem
almajakdygyma Ýeri-gögi ýaradan Beýik
Hudaýyň – Rebbiň adyndan ant içýärin.
24 Ýöne ýigitleriň iýen iýmitleri muňa
degişli däldir. Şeýle hem meniň bilen
giden Aner, Eşkol we Mamre hem öz
paýlaryny alsynlar».

## 15-nji bap

### *Reb Ybram bilen äht edýär*

1 Şu wakalardan soň Ybrama görnüş
arkaly Rebbiň sözi aýan boldy. Reb oňa
şu sözleri aýtdy: «Ybram, gorkma! Men
seniň galkanyňdyryn, seniň sylagyň juda
uly bolar». 2 Ybram: «Eý, Hökmürowan
Reb, Sen maňa näme berjek? Meniň heniz-
de perzendim ýok. Hojalygym damaskly
Eligezere miras galar. 3 Sen maňa perzent
bermänsoň, hojalygymdaky gulum maňa
mirasdar bolar» diýdi. 4 Ybrama Rebbiň
şu sözi aýan boldy: «Ol seniň mirasdaryň
bolmaz, öz biliňden önjek seniň mirasda-
ryň bolar». 5 Soňra Reb Ybramy daşary
çykaryp: «Asmana seret. Sen şol görünýän
ýyldyzlary sanap bilseň sanaý. Seniň şon-
ça-da nesliň bolar» diýdi. 6 Ybram Rebbe
iman etdi we Reb ony dogry hasaplady.
7 Reb Ybrama: «Şu ýurda eýe bolmagyň
üçin, seni babyllylaryň Ur galasyndan çy-
karan Reb Mendirin» diýdi. 8 Ybram: «Eý,
Hökmürowan Reb! Özümiň şu topragyň
eýesi boljakdygymy men nädip bilerin?»
diýdi. 9 Reb oňa: «Maňa üçýaşar göle, üç-
ýaşar geçi, üçýaşar goç, gumry hem-de
ýaş kepderi getir» diýdi. 10 Ybram getirip,
olaryň hersini iki bölege böldi we her bö-
legi beýleki böleginiň garşysynda goýdy.
Ýöne ol guşlary bölmedi. 11 Ybram läşleriň
üstünde aýlanyşýan çaýkelleri kowdy.
12 Gün ýaşyp barýarka, Ybramy agyr
uky basmarlady; onuň üstüne elhenç
gorky howpy abandy.

13 Reb Ybrama şeýle diýdi: «Sen şuny
bilip goýgun: seniň nesliň ýat toprakda
gelmişek hem gul bolup ýaşar we şol
ýeriň halky olary dört ýüz ýyllap ezer.
14 Emma Men seniň nesliňi gul eden
milletiň jezasyny bererin. Şondan soň
olar ummasyz mal-mülki bilen ol ýer-
den çykarlar.

15 Sen bolsa uzak ýaşarsyň, asudalykda
ölüp, ata-babalaryňa gowşarsyň. 16 Nes-
liňiň dördünji arkasy bu ýere dolanyp
geler, çünki amorlaryň günäsi heniz jeza
almak derejesine ýetenok».

17 Gün ýaşyp, garaňky düşende, tüs-
seli ojak hem-de ýalynly çyra görnüp,
bular haýwan bölekleriniň arasyndan
geçipmiş.

18-21 «Müsür derýasyndan tä beýik
Ýewfrat derýasyna çenli uzalyp gidýän
şu ýurdy: keýnleriň, kenizleriň, kadmon-
laryň, hetleriň, perizleriň, rapalaryň,
amorlaryň, kenganlaryň, girgaşlaryň we
ýabuslaryň ýaşaýan ýurduny Men seniň
nesliňe berýändirin» diýip, hut şol gün
Reb Ybram bilen äht edişdi.

## 16-njy bap

### *Hajar we Ysmaýyl*

1 Ybramyň aýaly Seraý oňa çaga
dogrup bermedi. Seraýyň Hajar atly
müsürli bir gyrnagy bardy. 2 Bir gün
Seraý Ybrama: «Sered-ä, Reb meni
çaga dogurmakdan saklady. Sen meniň
gyrnagym bilen ýat. Belki, ol maňa
çaga dogrup berer» diýdi. Ybram Sera-
ýyň sözüne gulak asdy. 3 Şeýdip, Seraý
müsürli gyrnagy Hajary öz adamsy
Ybrama aýallyga berdi. (Bu waka bo-
lup geçende, Ybram Kenganda on ýyl
ýaşapdy.)

4 Ybram Hajar bilen ýatdy we Hajar
göwreli boldy. Hajar özüniň göwrelidi-
gini bilenden soň, öz bikesine ýigrenç
bilen seretdi. 5 Seraý Ybrama: «Meniň
mertebämiň peselmegine sen sebäp bol-
duň! Öz gyrnagymy seniň goýnuňa
beren mendirin. Ol özüniň göwrelidigini
bileni bäri maňa ýigrenç bilen seredýär.
Ikimizden haýsymyzyň mamladygymy-
zy, goý, Reb çözsün» diýdi.

6 Ybram Seraýa: «Gyrnagyň öz eliňde.
Sen oňa islän zadyňy et» diýdi. Şunluk-
da, Seraý Hajara juda ýowuz daraşyp
ugrady. Hajar ondan gaçyp gitdi.

7-8 Rebbiň perişdesi Hajary çöl içindäki,
Şur ýolundaky suw gözbaşyndan tapdy.
Ol ondan: «Eý, Seraýyň gyrnagy Hajar,
nireden gelip, nirä barýarsyň?» diýip
sorady. Hajar: «Bikäm Seraýdan gaçyp
barýaryn» diýip jogap berdi. 9 Rebbiň
perişdesi Hajara: «Bikäň ýanyna do-
lan-da, oňa tabyn bol» diýdi. 10 Rebbiň
perişdesi sözüni dowam edip, Hajara:
«Seniň nesliňi şeýle bir köpelderin welin,
hatda olary sanap-da bolmaz.

11 Sen häzir göwreli; seniň bir ogluň
bolar.
Sen onuň adyna Ysmaýyl
dakarsyň,
çünki Reb seniň ahy-nalaňy
eşitdi[a].
12 Ol gulan ýaly bir adam bolar.
Ol her kese, her kes hem oňa
garşy bolar.
Ol öz doganlarynyň hiç biri
bilen oňuşmaz».

13 «Men, hakykatdan-da, özüme üns
berýän Hudaýy gördüm» diýip, Ha-
jar özi bilen gepleşen Rebbi «Görýän
Hudaý» diýip atlandyrdy. 14 Şoňa gö-
rä-de Kadeş bilen Berediň arasyndaky

---

[a] **16:11** Ýewreýçe *Ysmaýyl* we *Reb eşidýär* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

ol guýy «Beýer-lahaýroý» [a] diýip atlandyrylandyr.

15 Hajar Ybrama bir ogul dogrup berdi. Ybram oglunyň adyna Ysmaýyl dakdy. 16 Hajar Ysmaýyly doglanda, Ybram segsen alty ýaşyndady.

### 17-nji bap

*Ybraýym sünnetlenýär*

1 Ybram togsan dokuz ýaşyndaka, Reb oňa görnüp, şeýle diýdi: «Men Gudratygüýçli Hudaýdyryn. Sen Meniň nazarymda gez we takwa bol. 2 Men seniň bilen äht ederin we saňa juda köp nesil bererin». 3-4 Şol wagt Ybram Onuň öňünde ýüzin düşdi. Hudaý oňa şeýle diýdi: «Seniň bilen edýän ähtim, ine, şudur: sen köp milletleriň atasy bolarsyň; 5 indiden beýläk seniň adyň Ybram däl-de, Ybraýym bolar, çünki Men seni köp milletleriň atasy [b] edýärin. 6 Men seni juda örňederin. Senden milletler hem şalar dörär. 7 Men seniň bilen we seniň nesliň bilen nesilden-nesle dowam etjek ebedilik äht baglaşaryn. Men seniň hem-de seniň nesliňiň Hudaýy bolaryn. 8 Häzirki gelmişek bolup ýaşap ýören ýeriň bolan Kengan ýurduny tutuşlygyna Men saňa hem-de nesliňe ebedilik mülk edip bererin. Men olaryň Hudaýy bolaryn».

9 Hudaý sözüni dowam edip, Ybraýyma şeýle diýdi: «Sen we seniň nesliň nesilden-nesle Meniň ähtimi berjaý etmelisiňiz. 10 Siz Meniň sen we seniň geljekki nesliň bilen edýän ähtimiň şertlerini berjaý etmelisiňiz. Araňyzdaky erkekleriňiziň ählisini sünnetlemelisiňiz. 11 Ujydyňyzyň pürçügini kesdirip, sünnetleniň. Sünnet siz bilen Meniň aramdaky ähtiň nyşany bolar. 12 Mundan beýläk öz nesliňizden, şeýle hem özüňizden bolman, kesekilerden satyn alan gullaryňyzdan doglan erkek çagalaryň hemmesi sekiz günlükkä sünnetlenmelidir. 13 Seniň öz hojalygyňda doglan gullaryň-da, satyn alan gullaryň-da sünnetlenmelidir. Şeýle etmek bilen, siziň teniňiz Meniň siz bilen eden ähtimiň bakydygyny görkezer. 14 Ujydynyň pürçügini kesdirip, sünnetlenmedik erkek ähti bozan adam hökmünde öz halkynyň arasyndan çykarylsyn».

15 Hudaý Ybraýyma: «Indi aýalyňyň adyny Seraý diýip tutma. Mundan beýläk onuň ady Sara [ç] bolar. 16 Men Sarany ýalkaryn; ondan saňa bir ogul hem bererin. Men Sarany ýalkaryn; ol ençeme milletleriň enesi bolar. Onuň neslinden şalar dörär» diýdi. 17 Ybraýym Onuň öňünde ýüzin düşdi; soňra ol gülüp, içinden: «Ýüz ýaşyndaky adamdanam, heý, çaga doglarmy?! Togsan ýaşyndaky Sara-da bir çaga dogrup bilermi?!» diýdi. 18 Soňra Ybraýym ýene Hudaýa: «Ysmaýyly mirasdarym hökmünde kabul etsediň!» diýdi. 19 Hudaý şeýle diýdi: «Ýok! Hut öz aýalyň Sara saňa bir ogul dogrup berer. Sen onuň adyna Yshak [d] dakarsyň. Men onuň özi we tutuş nesli bilen ebedilik äht baglaşaryn. 20 Men seniň Ysmaýyl hakda aýdanyňy-da eşitdim. Men Ysmaýyly ýalkap, örňedip, ony juda köpelderin. Ondan on iki sany tirebaşy dörär. Men Ysmaýyldan

[a] **16:14** ***Beýer-lahaýroý*** – bu sözler *maňa üns berýän Diriniň guýusy* diýmegi aňladýar.
[b] **17:5** Ýewreýçe *Ybraýym* we *köp milletleriň atasy* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.
[ç] **17:15** ***Sara*** – bu söz *melike* diýmegi aňladýar.
[d] **17:19** ***Yshak*** – bu söz *ol gülýär* diýmegi aňladýar.

uly millet döredérin. 21 Emma Men Öz
ähtimi geljek ýylyň hut şu pursadynda
Saradan doguljak Yshak bilen bagla-
şaryn». 22 Hudaý Ybraýym bilen eden
gürrüňini tamamlap ýokary göterildi.

23 Ybraýym Hudaýyň özüne buýruşy
ýaly, hojalygyndaky erkekleriň hem-
mesini, ogly Ysmaýyly, öz hojalygynda
doglan gullary we satyn alan gullaryny
hut şol günüň özünde sünnetledi. 24 Ybra-
ýym togsan dokuz ýaşynda sünnetlendi.
25-26 Onuň ogly Ysmaýyl on üç ýaşynda
sünnetlendi. Ybraýym bilen onuň ogly
Ysmaýyl bir günde sünnetlendi. 27 Ybra-
ýymyň hojalygyndaky erkekleriň ählisi,
onuň hojalygynda doglan gullary-da,
kesekilerden satyn alan gullary-da onuň
bilen bile sünnetlendiler.

## 18-nji bap

### *Üç myhman*

1 Bir gün Günüň jokrama yssy
wagtynda Ybraýym Mamräniň dub
tokaýjygynyň ýanyndaky çadyrynyň
agzynda otyrka, oňa Reb göründi. 2 Yb-
raýym töweregine seredip, aňyrrakda üç
kişiniň durandygyny gördi. Ybraýym
olary gören badyna, garşylamak üçin
çadyrynyň agzyndan olara tarap ylgady.
Ol iki bükülip, olara tagzym etdi. 3 Yb-
raýym şeýle diýdi: «Eý, jenabym, eger
men siziň göwnüňizden turan bolsam,
onda öz guluňyzyň duşundan sowlup
geçmäň. 4 Men size aýagyňyzy ýuwar
ýaly suw getirdeýin. Şu agajyň aşagynda
dem-dynjyňyzy alaýyň. 5 Size güýç-kuw-
wat berer ýaly bir bölek nan getireýin,
çünki ýoluňyz bendäňiziň üstünden
düşdi ahyryn! Soňra ýoluňyzy dowam
etdirersiňiz». Olar: «Aýdyşyň ýaly edäý»
diýdiler. 6 Ybraýym howlukmaç çadyra,
Saranyň ýanyna geldi-de, oňa: «Derrew
üç kersen oňat undan hamyr ýugur-da,
nan ýap» diýdi. 7 Soňra Ybraýym malla-
ryna tarap ylgady-da, sürüden ýaş hem
semiz bir göläni saýlap, ony hyzmatkär
ýigide berdi. Onsoň hyzmatkär dessine
nahar taýýarlamaga girişdi. 8 Ybraýym
gatyk, süýt hem bişirilen göläniň etini
getirip, adamlaryň öňünde goýdy. Myh-
manlar naharlandylar. Ybraýymyň özi
bolsa olaryň ýanynda agajyň aşagynda
durdy.

9 Adamlar Ybraýymdan: «Aýalyň Sara
nirede?» diýip soradylar. Ybraýym: «Sa-
ra ol taýda, çadyrda» diýip jogap berdi.
10 Olaryň biri: «Indiki ýyl şu wagtlar
men seniň ýanyňa ýene dolanyp gelerin
we oňa çenli aýalyň Saradan bir ogul
bolar» diýdi. Sara onuň arkasyndaky
çadyryň agzynda bularyň gürrüňini
diňläp durdy. 11 Ybraýym bilen Saranyň
ikisiniň-de ýaşlary birçene barypdy;
olar örän garrapdylar. Sarada aýbaşy
gelmesi kesilipdi. 12 Şoňa görä Sara
içinden gülüp: «Men-de, adamym-da
garry; şu ýaşdan soň men beýle şatlyga
eýe bolup bilerinmi?!» diýdi. 13 Şonda
Reb Ybraýymdan: «Näme üçin Sara
„Şu ýaşdan soň men, heý, çaga dogrup
bilerinmi?!“ diýip güldi?» diýip sorady.
14 «Rebbiň başarmajak zady barmy?!
Bellenen wagtda, indiki ýyl şu wagtlar
ýanyňa dolanyp gelenimde, Saranyň bir
ogly bolar» diýdi. 15 «Men gülmedim»
diýip, Sara gorkusyna boýun almady.
Reb: «Ýok, sen güldüň» diýdi.

### *Ybraýym Sodom üçin ýalbarýar*

16 Adamlar turup, Sodoma tarap ýola
düşdüler. Ybraýym hem olary ugratmak
üçin olar bilen bile gitdi. 17 Reb şeýle
diýdi: «Etjek bolýan işimi Ybraýym-
dan gizläýinmi?! 18 Ybraýymdan beýik
hem güýçli bir millet dörär. Ýer ýüzüniň

ähli milletleri Ybraýymdan pata alarlar.
19 Dogruçyllyk hem adalatlylyk bilen
Rebbiň ýolundan ýöremekligi ogullary-
na we nesillerine tabşyrsyn diýip, Men
Ybraýymy saýladym. Eger olar Meniň
aýdanlarymy berjaý etseler, onda Men
Ybraýyma beren wadalarymyň hem-
mesini ýerine ýetirerin». 20 Soňra Reb
Ybraýyma: «Halkyň Sodom bilen Go-
moranyň garşysyna edýän ahy-nalasyny
eşitdim; olaryň günäleri juda agyrdyr.
21 Men aşak düşüp göreýin. Olaryň et-
mişi, hakykatdan-da, Maňa ýetişi ýaly
erbetmikä? Men anyklaýyn» diýdi.

22 Şeýdip, adamlar ol ýerden gaýdyp,
Sodoma tarap ýola düşdüler. Ybraýym
bolsa Rebbiň huzurynda durdy. 23 Ol Reb-
be golaýlaşyp, Oňa şeýle diýdi: «Sen
beýtseň, günäliniň oduna bigünä-de
ýanmazmy?! 24 Aýdaly, galada elli sany
bigünä bar. Şol elli sany bigünä adamyň
haky üçin oňa haýpyň gelmezmi? Sen
şonda-da galany weýran edermiň? 25 Gü-
näli bilen bigünäniň arasyna parh goýman,
bigünäni günäliler bilen bile öldürmä-
weri! Beýle iş etmeklik Senden daşda
bolsun! Bütin Ýer ýüzüniň Kazysy – Sen
adalatly hereket etmeli ahyryn!» 26 Reb:
«Eger-de Sodom galasyndan elli sany
bigünä adam tapsam, onda Men olaryň
hatyrasyna tutuş galany diri galdyraryn»
diýdi. 27 Ybraýym oňa şeýle ýüzlendi:
«Seniň öňüňde tozdur kül kimin bolsam-
da, men Sen Taňrym bilen gepleşmäge
ýürek edýän. 28 Eger galadaky bigünäleriň
sany kyrk bäş bolaýsa, şonda nädersiň?
Bäş adamyň kemterlik edýändigi üçin Sen
tutuş galany weýran edermiň?» Ol Ybra-
ýyma: «Eger-de Men ol ýerden kyrk bäş
sany bigünäni tapsam, onda ony weýran
etmerin» diýip jogap berdi. 29 Ybraýym
Ondan ýene-de: «Aýdaly, galadan diňe
kyrk sanysy tapylýar, onda näme?» Ol:
«Eger Men ol ýerden kyrk sany bigünä
tapsam, onda ony weýran etmerin» diý-
di. 30 Onsoň Ybraýym Taňra ýüzlenip:
«Eý, Taňrym, geplesem maňa gaharyň
gelmesin. Aýdaly, galadan otuz sanysy
tapylýar, onda näme?» diýdi. Reb: «Eger
ol ýerden otuz sany bigünä tapsam, onda
Men ony weýran etmerin» diýdi. 31 Ybra-
ýym ýene-de ýüzlenip: «Men Sen Taňrym
bilen gepleşmäge ýürek edýän. Aýdaly,
galada ýigrimi sany bigünä bar» diýdi.
Taňry: «Ýigrimi sany bigünäniň hatyrasy
üçin Men galany weýran etmerin» diýdi.
32 Ybraýym: «Eý, Taňrym, maňa gaharyň
gelmesin! Men iň soňky gezek Saňa ýüz
tutýaryn. Aýdaly, galada bary-ýogy on
sany bigünä bar» diýdi. Taňry: «On bi-
günäniň hatyrasy üçin Men ony weýran
etmerin» diýip jogap berdi.

33 Reb Ybraýym bilen gürrüňini ta-
mamlandan soň, onuň ýanyndan gitdi.
Ybraýym bolsa öýüne dolanyp geldi.

## 19-njy bap

### *Sodom we Gomora weýran edilýär*

1 Agşamara hälki iki perişde Sodom ga-
lasyna geldi. Lut galanyň derwezesinde
otyrdy. Ol perişdeleriň gelýänini görüp,
ýerinden turup, olaryň öňlerinden çy-
kyp, olara iki bükülip tagzym etdi. 2 Lut:
«Eý, jenaplar, aýagyňyzy ýuwuň-da, bu
gije öýüme myhman boluň. Ertir ir bilen
turup, ýoluňyzy dowam etdirersiňiz!»
diýdi. Olar: «Ýok, biz gijäni meýdança-
da geçireris» diýdiler. 3 Lut ýüreginden
syzdyryp ýalbaransoň, olar onuň öýüne
sowuldylar. Ol perişdeleri hezzetläp, ola-
ra petir bişirip berdi. Olar naharlandylar.
4 Olar ýatmazdan öň, Sodomyň ýaşu-gar-
ry ähli erkek adamlary Lutuň öýüniň
daşyny gabadylar. 5 Olar Luta: «Şu gije
öýüňe gelen adamlar nirede? Olary biziň

ýanymyza çykar, biz olar bilen ýatjak»
diýip gygyryşdylar. 6-7 Lut daşary çykyp,
gapyny daşyndan ýapdy we ýygnanan
adamlara: «Eý, doganlar, gabahatlykdan
el çekiň. 8 Meniň iki sany boý gyzym bar.
Men şolary siziň eliňize bereýin. Siz
olara islän zadyňyzy edäýiň, ýöne bu
adamlara degmäň. Olar meniň öýümi
penalap geldiler» diýdi. 9 Emma olar Lu-
ta: «Aýryl gapydan» diýdiler. Olar soňra:
«Gelmişek halyňa bize akyl öwretjek bol-
ýaňmy? Indi biz seni olardan hem beter
ederis» diýşip, gapyny döwmek üçin Luta
topuldylar. 10 Emma içerdäki adamlar
gapyny açyp, Luty içeri saldylar-da, ga-
pyny ýapdylar. 11 Olar gapynyň agzynda
duranlaryň uludan-kiçä ählisiniň gapyny
tapyp bilmezleri ýaly gözlerini kör etdiler.

12 Adamlar Luta şeýle diýdiler: «Seniň
bu ýerde ýene kimiň bar? Ogul-gyzyň-
mydyr, giýewiňmidir, garaz, galadaky
özüňe degişli adamlaryň ählisini al-da,
bu ýerden çyk. 13 Biz Sodomy weýran
etjekdiris. Reb bu ýeriň halkyna garşy
edilýän uly ahy-nalalary eşidip, bizi
Sodomy weýran etmäge iberdi». 14 Lut
özüne giýew boljaklaryň ýanyna baryp
olara: «Basym bu ýerden çykyň, Reb ga-
lany weýran etjekdir» diýdi. Emma olar
Lut degişýändir öýtdüler. 15 Daň atandan
soň perişdeler: «Gala weýran edilende
heläk bolmazyňyz ýaly, aýalyň bilen
ýanyňdaky iki gyzyňy hem al-da, bu
ýerden çyk!» diýip, Luty gyssap başla-
dylar. 16 Emma Lut ikirjiňlendi. Şol wagt
adamlar Lutuň, onuň aýalynyň hem iki
gyzynyň elinden tutup, Rebbiň merhe-
meti bilen olary aman-sag galadan alyp
çykdylar. 17 Galadan çykanlaryndan soň
adamlaryň biri: «Indi gaç-da, başyňy
gutar. Yzyňa garama! Düzlükde aýak
çekme, göni daga gaç, ýogsam gala bi-
len bile heläk bolarsyň» diýdi.

18 Ýöne Lut oňa şeýle diýdi: «Ýok, ýok
jenabym! 19 Guluňyz seniň nazaryňda
eýýäm merhemet tapdy. Sen meni ölüm-
den halas edip, maňa ýagşylyk etdiň.
Emma men daglara gaçyp bilmerin;
men betbagtçylyga ýolugyp, ölerin di-
ýip gorkýaryn. 20 Şu golaýda kiçijik bir
gala bar. Ol kiçi ahyryn. Özümi şol ýere
atmaga maňa ygtyýar etseň, men ölüm-
den halas bolaryn». 21 Ol Luta: «Bolýar,
seniň haýyşyňy ýerine ýetirerin. Men
şol diýýän galaňy weýran etmerin. 22 Sen
basym gaç, çünki sen ol ýere baryp
ýetýänçäň, men hiç zat edip bilmerin»
diýdi. Şoňa görä-de ol gala Sogar [a] diýlip
atlandyryldy.

23 Gün doganda, Lut Sogara gelip ýetdi.
24-25 Şol wagt Reb Sodom bilen Gomora
galalarynyň üstüne gökden otly kükürt
ýagdyryp, bu iki galany daş-töweregi,
ähli ilatydyr ösümlikleri bilen bile weý-
ran etdi. 26 Lutuň aýaly yzyna garady we
şol bada duz sütünine öwrüldi.

27 Ybraýym daň bilen turup, özüniň
Rebbiň huzurynda duran ýerine gitdi.
28 Ybraýym Sodoma, Gomora we tutuş
düzlüge tarap aşak seredip, ol ýurtdaky
asmana göterilýän tüssäniň edil ojakdan
çykýan ýalydygyny gördi.

29 Şeýdip, Hudaý düzlükdäki iki gala-
ny weýran edende, Ybraýymy ýatdan
çykarmady; Lutuň mesgen tutan gala-
laryny weýran edende, Hudaý Luty ol
betbagtçylykdan halas etdi.

### *Mowaplaryň we ammonlaryň gelip çykyşy*

30 Lut Sogarda galmakdan gorkup, iki
gyzyny-da alyp, bu ýerden çykdy. Ol

[a] **19:22** Ýewreýçe *Sogar* we *kiçi* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

dagda mesgen tutup, gyzlary bilen bile
bir gowakda ýaşaberdi. 31 Bir gün gyz-
laryň ulusy uýasyna: «Kakamyz garrap
barýar; dünýä adatyna görä biziň ýa-
nymyza girer ýaly ýer ýüzünde hiç bir
erkek kişi ýok. 32 Gel, kakamyza şerap
içirip, onuň bilen ýataly. Şeýdip, biz öz
kakamyzdan perzentli bolarys» diýdi.

33 Gyzlar şol gije kakalaryny serhoş
etdiler. Şeýdip, gyzlaryň ulusy öz kaka-
synyň ýanyna girip, onuň bilen ýatdy. Lut
gyzynyň haçan ýatyp, haçan turanyny-
da bilmedi. 34 Ertesi gün ýene gyzlaryň
ulusy öz doganyna: «Men öten agşam
kakam bilen ýatdym. Gel, bu gije-de
ony serhoş edeli; sen hem onuň bilen
ýat. Şeýdip, biz öz kakamyzyň üsti bilen
perzentli bolarys» diýdi. 35 Gyzlar bu gije
hem kakalaryny serhoş etdiler. Bu gezek
gyzlaryň kiçisi öz kakasynyň ýanyna
girip, onuň bilen ýatdy. Lut onuň-da
haçan ýatyp, haçan turanyny bilmedi.

36 Şeýdip, Lutuň iki gyzy-da öz ka-
kasyndan göwreli boldy. 37 Gyzlaryň
ulusy bir ogul dogurdy we onuň adyna
Mowap [a] dakdy. Ol häzirki mowaplaryň
nesilbaşysydyr. 38 Gyzlaryň kiçisi-de
bir ogul dogurdy we onuň adyna Be-
namy [b] dakdy. Ol häzirki ammonlaryň
nesilbaşysydyr.

## 20-nji bap

### *Ybraýym we Abymelek*

1 Ybraýym ol ýerden Negep çölüne
göçüp, Kadeş bilen Şuruň aralygynda
düşledi. Soňra ol Gerarda gelmişek bolup
ýaşady. 2 Ybraýym öz aýaly Sara «Ol me-
niň aýal doganym» diýdi. Geraryň şasy
Abymelek adam iberip, Sarany getirtdi.

3 Hudaý Abymelegiň düýşüne girip,
oňa: «Ärli aýaly ýanyňa aldyrdandy-
gyň sebäpli sen ölersiň» diýdi. 4 Emma
Abymelek Sara heniz ýakynlaşmandy.
Abymelek: «Eý, Taňry! Sen bigünä hal-
ky-da ýok etjekmi?! 5 Ybraýymyň özi:
„Bu meniň aýal doganym“ diýip aýtma-
dymy näme?! Aýalyň özi-de: „Ol meniň
erkek doganym“ diýdi ahyryn. Men bu işi
päk ýürek we ynsap bilen etdim» diýdi.

6 Hudaý Abymelege düýşünde şeý-
le diýdi: «Seniň muny päk ýürekden
edendigiňi Men bilýärin. Seni Özüme
garşy günä etmeklikden saklan Mendi-
rin. Şonuň üçin seniň oňa el urmagyňa
ygtyýar bermedim. 7 Indi bolsa sen aýaly
öz adamsyna gaýtaryp ber, çünki onuň
adamsy pygamberdir. Ol seniň üçin dileg
eder. Şeýdip, sen diri galarsyň. Aýaly
yzyna gaýtarmasaň, sen we seniň ähli
adamlaryň hökman ölersiňiz».

8 Abymelek daň bilen turdy we ähli
emeldarlaryny çagyryp, olara düýşü-
ni gürrüň berdi. Olar gaty gorkdular.
9 Abymelek Ybraýymy çagyryp, oňa:
«Bu näme etdigiň boldy?! Seniň meni
we meniň patyşalygymy beýle uly günä
bilen ýazykly ederiň ýaly, meniň saňa
garşy eden günäm näme?! Sen maňa asla
edilmeli däl işi etdiň» diýdi. 10 Abyme-
lek ýene-de Ybraýymdan: «Sen näme
maksat bilen beýle etdiň?» diýip sorady.

11 Ybraýym oňa şeýle jogap berdi: «Bu
ýerde Hudaýdan gorkýan ýokdur öýtdüm
we aýalym sebäpli özümi öldürerler di-
ýip pikir etdim. 12 Onsoňam ol meniň,
hakykatdan-da, aýal doganym. Ikimiz
atabir enebaşga dogandyrys, ol soň me-
niň aýalym boldy. 13 Hudaý meni atamyň
öýünden Öz saýlan ýurduna gitmäge

[a] **19:37** Ýewreýçe *Mowap* we *atamdan* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **19:38** Ýewreýçe *Benamy* we *halkymyň ogly* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

çagyranda, men Sara: „Sen maňa we-
paly bol. Men barada soran her kişä bu
meniň erkek doganym diý“ diýdim».
[14]Abymelek Ybraýyma ownukly-irili
mallar, gullardyr gyrnaklar berdi; aýaly
Sarany hem oňa gaýtaryp berdi. [15]Aby-
melek Ybraýyma: «Ine, tutuş ýurdum
seniň öňüňde ýaýylyp ýatyr. Sen islän
ýeriňde ýaşa» diýdi. [16]Abymelek Sa-
ra-da: «Doganyňa müň teňňe kümüş
berdim. Bu ýanyňdakylara seniň bigü-
nädigiňi görkezer. Sen doly aklanansyň»
diýdi. [17-18]Ybraýymyň aýaly Sara sebäpli
Reb Abymelegiň köşgündäki aýallaryň
ählisiniň ýatgysyny baglapdy. Ybraýym
Hudaýa dileg etdi. Hudaý Abymelegiň
özüni-de, aýalydyr gyrnaklaryny-da
çaga dograrlary ýaly sagaltdy.

## 21-nji bap

### *Yshak dogulýar*

[1]Reb edil aýdyşy ýaly, Sara beren wa-
dasyny berjaý etdi. [2]Sara göwreli bolup,
Ybraýymyň garran çagynda oňa bir ogul
dogrup berdi. [3]Ybraýym özüniň Saradan
bolan oglunyň adyna Yshak dakdy. [4]Hu-
daýyň buýruşy ýaly, Ybraýym Yshagy
sekiz günlükkä sünnetledi. [5]Ogly Ys-
hak doglanda, Ybraýym ýüz ýaşyndady.
[6]Sara: «Hudaý maňa begenç hem gülki
getirdi. Oglumyň bolandygyny eşiden
her kişi meniň bilen bile gülşer. [7]Ybraýy-
ma Sara çaga emdirer diýen bolsa, muňa
ynanan tapylarmydy?! Emma, ine, ol go-
jalansoň, men oňa ogul dogrup berdim»
diýdi. [8]Çaga ulaldy, ony süýtden aýyr-
dylar. Şol gün, ýagny Yshagyň süýtden
aýrylan güni Ybraýym uly toý tutdy.

### *Hajar bilen Ysmaýyl kowulýarlar*

[9]Asly müsürli Hajaryň Ybraýymdan
bolan oglunyň öz ogly Yshagyň üstünden
gülýänini Sara gördi. [10]Ol Ybraýyma:
«Bu gyrnagy ogly bilen bile çykaryp kow.
Gyrnagyň ogly oglum Yshak bilen mira-
symyzy paýlaşmaz» diýdi. [11]Emma ogly
baradaky bu mesele Ybraýyma juda agyr
degdi. [12]Hudaý Ybraýyma şeýle diýdi:
«Sen ogluň we gyrnagyň üçin gamlanma.
Sara näme et diýse, şony-da et, çünki
seniň adyň Yshagyň nesli arkaly dowam
eder. [13]Gyrnagyňdan bolan ogluňdan
hem bir millet ýaradaryn, çünki ol-da
seniň perzendiňdir». [14]Ybraýym daň
bilen turdy-da, biraz nan hem bir meşik
suw alyp, olary Hajaryň egnine atdy. Ol
oglany Hajaryň gözegçiligine berip, ony
goýberdi. Hajar gidip, Beýerşebanyň
çölünde esli wagt entedi.
[15]Meşikdäki suw tükendi. Hajar ogla-
ny bir gyrymsy agajyň aşagynda taşlap
gitdi. [16]«Oglumyň ölenini bir görmä-
ýin» diýip, gidip, oglundan okýetim
uzaklykda oturyp, içigip-içigip aglady.
[17-18]Hudaý oglanyň sesini eşitdi. Huda-
ýyň perişdesi gökden Hajary çagyryp:
«Hajar, näme boldy? Gorkma, Hudaý og-
lanyň sesini eşitdi. Bar, oglany ýerinden
galdyr-da, elinden tut. Men ondan bir
beýik millet ýaradaryn» diýdi. [19]Hudaý
Hajaryň gözüni açdy we ol bir suwly
guýyny gördi. Ol baryp, guýudan me-
şigini doldurdy-da, ondan ogluna içirdi.
[20]Hudaý ol oglan bilen biledi. Ol ulalyp,
çölde ýaşap, ökde kemançy bolup ýetişdi.
[21]Oglan Paran çölünde ýaşaýardy. Ejesi
ony müsürli bir gyza öýerdi.

### *Ybraýym bilen Abymelek äht edişýärler*

[22]Şol döwürde Abymelek patyşa öz
harby serkerdesi Pikol bilen bile Yb-
raýymyň ýanyna baryp, oňa: «Ähli
işde Hudaý seniň bilen biledir. [23]Sen
maňa meniň tohum-tijime biwepalyk

etmejekdigiňe, meniň saňa wepaly bol-
şum ýaly, seniň-de maňa we öz gelmişek
bolup ýaşaýan ýurduňa wepaly boljak-
dygyňa sen Hudaýdan ant iç» diýdi.
24 Ybraýym: «Ant içýärin» diýdi.

25 Soňra Abymelegiň gullarynyň özün-
den suwly guýyny zor bilen alandyklary
üçin Ybraýym oňa närazylyk bildirdi.
26 Abymelek oňa: «Muny men şu wagt
eşidýärin. Ony kimiň edendiginden
habarym ýok. Sen muny maňa habar
bermediň» diýdi. 27 Ybraýym Abyme-
lege ownukly-irili mal berdi. Olar özara
äht baglaşdylar. 28 Ybraýym ýedi sany
guzyny sürüden çykaryp, aýry goý-
dy. 29 Patyşa Ybraýymdan: «Näme üçin
beýdýärsiň?» diýip sorady. 30 Ol: «Sen
şu ýedi guzyny menden al. Şeýle etmek
bilen sen şol guýyny meniň gazdyrandy-
gyma şaýatlyk edersiň» diýdi. 31 Olar bu
guýyny Beýerşeba[a] diýip atlandyrdylar,
çünki bu ýerde olar özara ant içişipdiler.
32 Olar Beýerşebada äht baglaşanlaryn-
dan soň, Abymelek öz harby serkerdesi
Pikol bilen ol ýerden öz ýurduna, piliştli-
leriň topragyna dolandy. 33 Ybraýym
Beýerşebada bir sany ýylgyn ekip, ol
ýerde Baky Hudaý Rebbe ybadat etdi.
34 Ybraýym piliştlileriň ýurdunda uzak
wagtlap gelmişek bolup ýaşady.

### 22-nji bap

***Hudaý Ybraýymy synaýar***

1 Şol wakalardan soň Hudaý Ybraýymy
synady. Hudaý oňa: «Ybraýym!» diýip
seslendi. Ybraýym Oňa: «Lepbeý» diýip
jogap berdi. 2 Hudaý: «Ogluňy, ýalňyz
ogluňy, söýgüli ogluň Yshagy al-da,
Moryýa ýurduna bar we Meniň saňa gör-
kezjek dagymyň üstünde Yshagy Hudaýa
ýakma gurbanlygy hökmünde hödür et»
diýdi. 3 Ybraýym daň bilen turup, eşe-
gini gaňňalady. Öz hyzmatkärlerinden
ikisini hem-de Yshagy ýanyna aldy;
ýakma gurbanlygy üçin odun döwüş-
dirdi we Hudaýyň özüne aýdan ýerine
gitdi. 4 Üçülenji gün Ybraýym ol ýeri
uzakdan gördi. 5 Ybraýym hyzmatkär-
lerine: «Siz şu ýerde, eşegiň ýanynda
galyň. Oglum ikimiz beýleräge gidip,
sežde edip, onsoň yzymyza dolanyp
geleris» diýdi. 6-7 Ol ýakma gurbanlygy
üçin niýetlenen odunlary ogly Yshagyň
omzuna goýdy, ot bilen pyçagy bolsa
Ybraýymyň özi göterdi. Şeýdip, ikisi
tirkeşip gitdiler. Olar gidip barýarkalar,
Yshak birden: «Kaka!» diýip, Ybraýyma
ýüzlendi. Ybraýym: «Näme, oglum?»
diýdi. Yshak: «Ot-da, odun-da bar, ýöne
ýakma gurbanlygy üçin janly nirede?»
diýdi. 8 Ybraýym: «Ýakma gurbanlyk
janlysy bilen Hudaýyň özi üpjün eder,
oglum» diýip jogap berdi. Olar ýollaryny
dowam etdirdiler.

9 Olar Hudaýyň Ybraýyma görkezen
ýerine gelip ýetdiler. Ybraýym ol ýerde
gurbanlyk sypasyny ýasady. Odunlary
onuň üstüne üýşürdi we ogly Yshagy
daňyp, ony odunlaryň üstünde ýatyr-
dy. 10 Soňra ogluny gurban etmek üçin
pyçagyny eline aldy. 11 Onsoň Rebbiň
perişdesi oňa gökden: «Ybraýym! Yb-
raýym!» diýip gygyrdy. Ybraýym Oňa:
«Lepbeý» diýip jogap berdi. 12 Perişde:
«Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. Indi
Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy
bilýärin. Sen öz ýalňyz ogluňy Men-
den gaýgyrmadyň» diýdi. 13 Şol wagt
Ybraýym başyny galdyryp, aňyrrakda
gyrymsy agaçlaryň gür şahalaryna şahy
çolaşan bir goçuň durandygyny gördi.

[a] **21:31** ***Beýerşeba*** – bu söz *ant guýusy* ýa-da *ýediniň guýusy* diýmegi aňladýar.

Ybraýym baryp goçy tutdy we ony og-
lunyň deregine Rebbe ýakma gurbanlyk
edip berdi. 14 Ybraýym bu ýere «Ýahwe
ýire[a]» diýip at goýdy. (Häzirki aýdylýan
«Rebbiň dagynda üpjün edilýär» diýen
söz hem şondan galandyr.)

15 Rebbiň perişdesi gökden Ybraýymy
ikinji gezek çagyryp, 16 oňa: «Reb şeýle
diýýär: „Men Öz adymdan ant içýärin.
Seniň bu işi edendigiň üçin, ýagny öz
ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmandygyň
üçin, 17 Men hakykatdanam seni ýalkap,
seniň nesliňi asman ýyldyzlarydyr de-
ňiz ýakasynyň çägeleri deý köpelderin.
Seniň nesliň öz duşmanlaryndan üstün
çykar. 18 Meniň sözüme gulak asandygyň
üçin, ýer ýüzüniň ähli milletleri seniň
nesilleriň arkaly pata alarlar“» diýdi.

19 Ybraýym hyzmatkärleriniň ýanyna
gaýdyp geldi. Olar ol ýerden Beýerşeba
gaýtdylar. Ybraýym Beýerşebada ýaşady.

20 Şol wakalardan soň Ybraýyma şeýle
habar geldi: «Doganyň Nahoryň aýaly
Milka oňa ençeme ogul dogrup berdi.
21 Onuň nowbahar oglunyň ady Us, ondan
kiçisi Büz, soňra Kemuwal, (bu Aramyň
kakasydyr), 22 Keset, Hazo, Pildaş, Ýid-
lap hem Betuwel. 23 Betuwelden Rebeka
doguldy». Milka şu sekiz ogly Ybra-
ýymyň dogany Nahora dogrup berdi.
24 Onuň Rewuma atly gyrnak aýaly-da
Tebany, Gahamy, Tahaşy hem-de Ma-
gakany dogurdy.

## 23-nji bap

### *Saranyň ölümi*

1 Sara ýüz ýigrimi ýedi ýaşady; şu
onuň ömür süren ýyllarydy. 2 Sara Ken-
gan ýurdundaky Kirýatarbada, ýagny
Hebronda dünýäden ötdi. Ybraýym
Sara üçin matam tutup, ýas baglamaga
geldi. 3 Ol Saranyň jesediniň ýanyn-
dan turdy we hetleriň ýanyna baryp,
olara: 4 «Men siziň araňyzda ýaşaýan
bir gelmişekdirin. Maňa öz araňyzdan
aýalymy jaýlar ýaly ýer beriň» diýdi.
5-6 Hetler Ybraýyma: «Bizi diňle agam,
biz saňa Hudaýyň hormatlaýan adamy
hökmünde garaýarys. Sen aýalyňy bi-
ziň iň gowy gonamçylygymyzda jaýla.
Biziň hiç birimiz öz gonamçylygymyzy
senden gaýgyrmarys we merhumyňy
jaýlamakdan saklamarys» diýdiler. 7 Yb-
raýym ýerinden turup, ol ýurduň halky
bolan hetlere tagzym etdi. 8-9 Ol olara
ýüzlenip, şeýle diýdi: «Eger-de meniň
merhumymy öz araňyzda jaýlamagy-
ma razy bolsaňyz, onda Soharyň ogly
Epronyň mülküniň çetindäki Makpela
gowagyny maňa mülk hökmünde doly
bahasyndan satmagyny haýyş edip be-
riň» diýdi. 10 Şol wagt hetleriň arasynda
Epron hem otyrdy. Epron hetlere, gala
derwezesindäkileriň hemmesine eşit-
dirip, gaty ses bilen: 11 «Ýok, jenabym,
maňa gulak as. Men şol mülk ýeri öz
kowumdaşlarymyň öňünde gowagy bi-
len bile saňa mugt berýärin. Arkaýyn
merhumyňy jaýlaber» diýdi.

12-13 Ybraýym hetleriň öňünde tag-
zym etdi we ol halaýyk eşider ýaly edip,
Eprona: «Onda diňle, men şol mülk ýe-
riň hakyny saňa tölärin, sen ony al-da,
maňa ol ýerde merhumymy jaýlamaga
ygtyýar et» diýdi. 14-15 Epron Ybraýyma:
«Jenabym, maňa gulak as. Mülk ýeriň
bahasy dört ýüz kümüş teňňedir. Ikimi-
ziň aramyzda bu bir uly zat däl-le. Git-de,
merhumyňy jaýlaber» diýdi. 16 Ybra-
ýym Epron bilen ylalaşdy we Epronyň
hetlere eşitdirip aýdan mukdarynda,

[a] **22:14** ***Ýahwe ýire*** – bu sözlem *Reb üpjün edýär* diýmegi aňladýar.

söwdagärleriň arasyndaky ölçege görä
ölçäp, oňa kümüş berdi.
17-18 Şunlukda, Epronyň Mamräniň
gündogarynda ýerleşýän Makpeladaky
mülki gowagydyr ähli baglary bilen bile
Ybraýymyň eýeçiligine geçdi. Hetler-de,
gala derwezesinde oturan ýaşulular-
da muny ykrar etdiler. 19 Şondan soň
Ybraýym öz aýaly Sarany Mamräniň,
ýagny Hebronyň gündogarynda ýerle-
şen Makpeladaky mülkündäki gowakda,
Kengan ýurdunda jaýlady. 20 Şeýlelikde,
hetleriň şol mülki ondaky gowak bilen
bile Ybraýyma gonamçylyk üçin berildi.

## 24-nji bap

### *Yshak we Rebeka*

1 Ybraýym juda garrapdy. Reb ony ähli
zatda ýalkapdy. 2-3 Ybraýym öýüniň iň
ulusyna, özüniň ähli işlerini dolandyr-
ýan hyzmatkärine şeýle diýdi: «Eliňi
uýlugymyň astynda goý-da, ogluma
häzirki ýaşaýan ýerimdäki halkdan,
Kengan gyzlaryndan gelinlik tapmajak-
dygyňa Gögüň we Ýeriň Hudaýy Rebden
ant iç. 4 Meniň dogduk mekanyma, ga-
ryndaşlarymyň arasyna git-de, oglum
Yshaga gelinligi şol ýerden tapyp getir».
5 Hyzmatkär Ybraýymdan: «Eger-de gyz
meniň bilen bile bu ýere gelmek islemese,
onda seniň ogluňy çykyp gaýdan dogduk
mekanyňa alyp gideýinmi?» diýip sora-
dy. 6 Ybraýym oňa şeýle diýdi: «Oglumy
ol ýere äkidäýme. 7 Meni atamyň öýün-
den alyp gaýdyp: „Bu ýeri seniň nesliňe
berjek“ diýip, wada eden Gögüň Hudaýy
Reb Öz perişdesini seniň öňüňden iberer.
Şeýdip, sen ol ýerden oglum üçin bir gyz
taparsyň. 8 Eger ol gyz seniň bilen gaýt-
mak islemese, onda sen içen antyňdan
azat bolarsyň. Ýöne hergiz oglumy ol
ýere äkidäýmegin». 9 Hyzmatkär elini
Ybraýymyň uýlugynyň astynda goýup
ant içdi.
10 Hyzmatkär Ybraýymyň düýelerin-
den onusyny hem-de onuň gymmatbaha
sowgatlaryndan alyp, Mesopotamiýa-
daky Nahoryň ýaşaýan galasyna tarap
ýola düşdi. 11 Ol gala baryp ýetdi we onuň
daşyndaky guýynyň başynda düýeleri-
ni çökerdi; agşam çaglarydy, galanyň
gyz-gelinleriniň suw almaga çykýan
wagtlarydy. 12 Soňra ol şeýle dileg etdi:
«Eý, meniň jenabym Ybraýymyň Huda-
ýy Reb! Jenabym Ybraýyma merhemet
et-de, meniň işimi oň et. 13 Ine, men gu-
ýynyň başynda durun. Galanyň gyzlary
guýudan suw çekmäge gelýärler. 14 Men
bir gyza: „Küýzäňi egniňden düşür-de,
maňa birazajyk suw bersene, içeýin-le“
diýerin. Eger ol gyz maňa: „Al, iç, men
seniň düýeleriňi-de suwa ýakaýyn“ diýse,
ol Seniň guluň Yshak üçin saýlan gy-
zyň bolar. Şonda men Seniň jenabyma
merhemet edendigiňi bilerin».
15 Ybraýymyň hyzmatkäri heniz di-
leg edip otyrka, Rebeka egni küýzeli
galadan çykyp gelýärdi. Ol Ybraýymyň
inisi Nahor we onuň aýaly Milkanyň ogly
Betuweliň gyzydy. 16 Ol heniz erkek eli
degmedik görmegeý, boý gyzdy. Rebeka
aşak guýa inip, küýzesini suwdan dol-
durdy-da, yzyna dolandy. 17 Hyzmatkär
ylgap, onuň öňünden çykyp: «Küýzäňdäki
suwdan birazajyk içeýin-le» diýdi. 18 Ol:
«Içiň, meniň jenabym» diýdi-de, dessine
küýzesini egninden düşürip, oňa suw ber-
di. 19 Rebeka Ybraýymyň hyzmatkärine
suw bereninden soň: «Men siziň düýele-
riňizi-de ganýança suwa ýakaryn» diýdi.
20 Ol dessine küýzesindäki suwy nowa
guýdy-da, suw çekmek üçin guýa tarap
ylgady. Ol onuň düýeleriniň ählisi üçin
guýudan suw çekdi. 21 Ybraýymyň hyz-
matkäri öz ýoluny Rebbiň açandygyny

ýa-da açmandygyny biljek bolup, sesini
çykarman gyzy synlap durdy. 22 Düýeler
suwdan gananlaryndan soň, Ybraýymyň
hyzmatkäri agyrlygy bir mysgaldan gow-
rak bolan tylla burun halkasyny we her
taýy on mysgal bolan goşa tylla bilezigi
gyza berdi. 23 Soňra ol gyzdan: «Sen ki-
miň gyzy? Ataň öýünde maňa we meniň
ýoldaşlaryma gijäni geçirer ýaly ýer ta-
pylmazmyka?» diýip sorady. 24 Gyz oňa:
«Men Nahoryň we Milkanyň ogly Betu-
weliň gyzydyryn. 25 Bizde saman-da, ot-da
köp, ýatar ýaly ýer hem bar» diýip jogap
berdi. 26 Ybraýymyň hyzmatkäri baş egip,
Rebbe sežde etdi. 27 Ol: «Jenabym Ybraýy-
myň Hudaýy Rebbe alkyş bolsun, çünki
Ol Öz sadyk söýgüsini meniň jenabymdan
gaýgyrmady. Ol meni jenabymyň garyn-
daşynyň öýüne göni alyp geldi» diýdi.
28 Gyz öýlerine bakan ylgady we baryp,
öýündäkilere bolan wakany gürrüň berdi.
29-30 Rebekanyň Laban diýen erkek dogany
bardy. Laban öz gyz dogany Rebekanyň
burun halkasyny, bilegindäki bilezikleri-
ni görüp, Rebekadan ol adamyň nämeler
diýenini eşidip, guýa tarap ylgady. Ol gu-
ýynyň başyna gelende, ýaňky adam heniz
hem düýeleriniň ýanynda durdy. 31 Laban:
«Näme üçin bu ýerde dursuň? Ýör, öýe
gideli, eý, Rebbiň ýalkany, ýör öýe gideli.
Men seniň üçin jaý, düýeleriň üçin hem ýer
taýynladym» diýdi. 32 Şeýdip, Ybraýymyň
hyzmatkäri içeri girdi. Laban düýeleriň
ýüküni düşürip, olaryň öňüne samandyr
ot dökdi. Ol Ybraýymyň hyzmatkärine
we onuň ýoldaşlaryna aýaklaryny ýuwar-
lary ýaly suw getirip berdi. 33 Onuň öňüne
nahar goýuldy, ýöne ol adam: «Habarymy
alýançaňyz, naharlanjak däl» diýdi. Laban
oňa: «Beýle bolsa, habaryňy beräý» diýdi.

34 Ybraýymyň hyzmatkäri şeýle diý-
di: «Men Ybraýymyň hyzmatkäridirin.
35 Reb meniň jenabyma köp bereket
berdi. Ol meniň jenabymy baýadyp,
oňa ownukly-irili mallar, altyn-kümüş,
gul-gyrnaklar hem-de düýelerdir eşekler
berdi. 36 Jenabymyň aýaly Sara garran-
dan soň, ol Ybraýyma ogul dogrup
berdi. Ybraýym ähli emlägini ogluna
berdi. 37-38 Jenabym: „Ogluma ýaşaýan
ýerim bolan Kengandan gyz alma. Meniň
öz dogduk mekanyma, garyndaşlarymyň
ýanyna git-de, oňa şol ýerden gelinlik
tapyp getir“ diýip, maňa ant içirdi. 39 Men
jenabyma: „Tapan gyzym meniň bilen
gaýtmasa nädeýin?“ diýdim. 40 Jenabym:
„Nazarynda gezýän Rebbim Öz perişde-
sini seniň öňüňden iberip, işiňi oň eder.
Şeýdip, sen meniň dogduk mekanymdan,
garyndaşlarymyň arasyndan ogluma
gelinlik taparsyň. 41 Meniň garyndaş-
larymyň arasyna baranyňda, şonda sen
maňa içen antyňdan azat bolarsyň; hatda
olar saňa gyz bermeseler-de, sen maňa
içen antyňdan azat bolarsyň“ diýdi. 42 Ine,
şeýdip, men guýynyň başyna gelip, şeýle
dileg etdim: „Eý, jenabym Ybraýymyň
Hudaýy Reb! Sen meniň işimi oň et.
43-44 Ine, men guýynyň başynda durun.
Guýudan suw çekmäge gelen gyzlardan
birine: ‘Küýzäňdäki suwdan birazajyk
içäýeýin’ diýenimde, ol maňa: ‘Al, iç,
men seniň düýeleriňi-de suwa ýaka-
ýyn’ diýse, goý, ol meniň jenabymyň
ogly üçin saýlan gyzyň bolsun“ diýdim.
45 Men heniz içimden edýän dilegimi
soňlamankam, Rebeka egni küýzeli
galadan suw almaga çykyp gelýärdi.
Ol guýa baryp, ondan suw çekdi. Men
oňa: „Maňa suw bersene“ diýdim. 46 Ol
dessine küýzesini egninden düşürdi-de:
„Al, iç. Men siziň düýeleriňizi-de suwa
ýakaýyn“ diýdi. Şeýdip, men suw iç-
dim, ol düýeleri-de suwa ýakdy. 47 Men
ondan: „Sen kimiň gyzy?“ diýip sora-
dym. Ol: „Men Nahoryň we Milkanyň

ogly Betuweliň gyzydyryn“ diýip jogap
berdi. Men oňa burun halkasy bilen
bilezik berdim. 48 Soňra men baş egip,
Rebbe sežde etdim. Yshak üçin jena-
bymyň garyndaşynyň gyzyny almaga
göni ýol görkezen jenabym Ybraýymyň
Hudaýy Rebbi alkyşladym. 49 Indi siz
meniň jenabyma merhemet ediň-de,
sadyklygyňyzy görkeziň we boljagyny
ýa-da bolmajagyny maňa aýdyň. Onsoň
men näme etmelidigi barada belli kara-
ra gelerin». 50 Laban bilen Betuwel oňa
şeýle jogap berdiler: «Bu Rebbiň işidir.
Muny biz çözýän däldiris. 51 Rebeka şu
ýerde, ony al-da gidiber. Goý, ol Rebbiň
aýdyşy ýaly, seniň jenabyňyň ogluna
aýal bolsun». 52 Ybraýymyň hyzmatkäri
bu sözleri eşidende, dyza çöküp, Rebbe
sežde etdi. 53 Ol Rebeka altyndyr kümüş,
şaý-sepler we geýimler çykaryp berdi,
onuň ejesi bilen erkek doganyna-da
gymmatbaha sowgatlar etdi. 54 Soňra
Ybraýymyň hyzmatkäri öz ýanyndaky
adamlar bilen iýip-içdi we olar gijäni
şol ýerde geçirdiler. Irden turanlaryndan
soň ol: «Indi meni ýola salyň, men öz
jenabymyň ýanyna dolanaýyn» diýdi.
55 Emma gyzyň ejesi bilen dogany: «Goý,
Rebeka hiç bolmasa on gün ýanymyz-
da bolsun, onsoň gidibersin» diýdiler.
56 Ybraýymyň hyzmatkäri bulara: «Reb
meniň işimi oň etdi. Siz meni eglemäň;
maňa rugsat beriň, men öz jenabymyň
ýanyna dolanaýyn» diýdi. 57 Olar: «Gyzy
çagyryp, onuň özünden sorap göreliň»
diýdiler. 58 Olar Rebekany çagyryp, on-
dan: «Sen şu adam bilen gitjekmi?»
diýip soradylar. Rebeka: «Hawa, gitjek»
diýip jogap berdi. 59 Şunlukda, olar uýasy
Rebekany, onuň enekesini, Ybraýymyň
hyzmatkäri bilen onuň adamlaryny ug-
ratdylar. 60 Olar Rebeka pata berip, şeýle
diýdiler:

«Eý, uýamyz!
Goý, senden müňläp-müňläp
perzentler dünýä insin;
Nesliň öz duşmanlarynyň
galalaryny basyp alsyn!»

61 Rebeka bilen onuň gyrnaklary düýe-
lere münüp, Ybraýymyň hyzmatkäriniň
yzyna düşdüler. Ybraýymyň hyzmatkäri
Rebekany alyp, ýola rowana boldy. 62 Bu
wagt Yshak Beýer-lahaýroýdan gaýdyp
gelip, Negep çöllüginde düşläpdi. 63 Ol bir
gün agşam daşarda gezmelemäge çykdy.
Yshak başyny galdyryp, birnäçe düýäniň
gelýändigini gördi. 64-65 Rebeka Yshagy
görüp, düýeden düşdi we Ybraýymyň
hyzmatkärinden: «Biziň öňümizden
gelýän adam kim?» diýip sorady. Hyz-
matkär: «Ol meniň jenabym» diýip jogap
berdi. Rebeka bürenjegini alyp, ýüzüni
büredi. 66 Hyzmatkär başdan geçirenleri-
niň baryny Yshaga gürrüň berdi. 67 Yshak
Rebekany ejesi Saranyň ýaşan çadyryna
alyp bardy. Yshak Rebeka öýlendi we
ony söýdi. Şeýdip, Yshak ejesiniň ölümi
üçin çekýän hasratyndan köşeşdi.

## 25-nji bap

### *Ybraýymyň ölümi*

1 Ybraýym ýene-de Ketura atly bir aýa-
la öýlendi. 2 Ketura Ybraýyma Zimrany,
Ýokşany, Medany, Midýany, Ýişbaky we
Şuwany dogrup berdi. 3 Ýokşandan Şeba
we Dedan doguldy. Dedandan aşurlar,
latuşlar we lagumlar döredi. 4 Midýanyň
ogullary: Eýpa, Eper, Hanok, Abyda we
Eldaga. Bularyň hemmesi Keturanyň
nesilleridi.

5 Ybraýym özüniň ähli emlägini Ys-
haga berdi. 6 Gyrnak aýallaryndan bolan
ogullaryna bolsa Ybraýym özi dirikä
sowgatlar berip, olary Yshakdan aýryp,
gündogar topragyna iberdi.

7-8 Ybraýym ýüz ýetmiş bäş ýyl ömür
sürüp, garrap, öz durmuşyndan razy
bolup, dünýäden ötdi we ata-babalaryna
gowuşdy. 9-10 Ogullary Yshak bilen Ys-
maýyl Ybraýymy Makpela gowagynda,
het Soharyň ogly Epronyň mülkünde,
Mamräniň gündogarynda ýerleşýän
Ybraýymyň hetlerden satyn alan ýe-
rinde jaýladylar. Şunlukda, Ybraýym
bilen onuň aýaly Sara ikisi-de şol ýerde
jaýlandy. 11 Ybraýym ölenden soň Hu-
daý onuň ogly Yshagy ýalkady. Yshak
Beýer-lahaýroýyň golaýynda düşledi.

### *Ysmaýylyň nesilleri*

12 Ybraýymyň aýaly Saranyň Hajar atly
müsürli gyrnagy bardy. Ybraýymyň bu
gyrnak aýalyndan bolan ogly Ysmaýy-
lyň nesilleri şulardyr. 13-15 Uludan kiçä
Ysmaýylyň ogullarynyň atlary şunuň
ýalydyr: nowbahar ogly Nebaýot, soňra
Kedar, Adbeýel, Mibsam, Mişma, Duma,
Masa, Hadat, Teýma, Ýetur, Napyş we
Kedema. 16 Şular Ysmaýylyň nesilleriniň
obalaryna we düşelgelerine görä atlary-
dyr. Olar on iki tirebaşydyrlar. 17 Ysmaýyl
ýüz otuz ýedi ýyl ömür sürüp, dünýäden
ötdi we ata-babalaryna gowuşdy. 18 Ys-
maýylyň nesilleri Aşur tarapda, Müsüriň
golaýynda, Hawyladan Şura çenli bolan
aralykda ýaşadylar. Olar Ybraýymyň
beýleki nesillerinden aýra ýaşadylar.

### *Ysaw we Ýakup*

19 Ybraýymyň ogly Yshagyň nesilleri
şulardyr. 20 Yshak Rebeka öýlenende, ol
kyrk ýaşyndady. Rebeka Padanaramdaky
mesopotamiýaly Betuweliň gyzy,
mesopotamiýaly Labanyň aýal doganydy.
21 Rebekadan perzent önmeýärdi. Yshak
aýaly üçin Rebbe dileg etdi. Reb Yshagyň
dilegini eşitdi we Rebeka göwreli boldy.
22 Göwredäki ekiz çaga biri-biri bi-
len itekleşýärdi. Rebeka: «Näme üçin
bu ejir meniň başyma düşdi?» diýip,
Rebden sorady.
23 Reb oňa şeýle jogap berdi:

> «Göwräňde iki millet bar,
> senden iki bäsdeş halk dörär.
> Biri beýlekisinden rüstem çykar,
> ulusy kiçisine gul bolar».

24 Wagty dolup, Rebeka ekiz ogul do-
gurdy. 25 Olaryň ilkinji doglanynyň ýüzi
gyzyl we teni edil possun geýnen ýaly
tüýlekdi. Oňa Ysaw [a] diýip at goýdular.
26 Soňra onuň ökjesinden ýapyşyp, ekiz
taýy dünýä indi. Şonuň üçinem onuň
adyna Ýakup [b] dakdylar. Çagalar dog-
landa, Yshak altmyş ýaşyndady.
27 Oglanlar ulalyp, Ysaw ökde awçy
we meýdan adamy, Ýakup bolsa ýuwaş
hem öýdeçi adam bolup ýetişdi. 28 Yshak
Ysawy söýýärdi, çünki Yshak onuň ge-
tirýän aw etlerini halaýardy. Rebeka
bolsa Ýakuby söýýärdi.
29 Günleriň bir güni Ýakup merjimek
çorbasyny bişirip ýörkä, Ysaw gaty ýa-
daw hem aç halda meýdandan geldi. 30 Ol
Ýakuba: «Gyzyl, şol gyzyl çorbaňdan ma-
ňa-da bersene. Men aç öldüm» diýdi. (Şol
sebäpden hem oňa Edom [ç] diýip at dak-
dylar.) 31 Ýakup oňa: «Ilki öz nowbahar
ogullyk hakyňy maňa sat» diýdi. 32 Ysaw:
«Men açlygymdan ölüp barýaryn, nowba-
har ogullyk haky meniň nämäme derkar»
diýdi. 33 Ýakup oňa: «Onda ant iç» diýdi.

---

[a] **25:25** Ýewreýçe *Ysaw* we *tüýlek* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **25:26** Ýewreýçe *Ýakup* we *ökjesinden ýapyşýar* sözleriň aýdylyşy meňzeşdir. Bu jümle *ol aldaýar* diýmegi hem aňladýar. Seret: Gçk 27:36.
[ç] **25:30** Ýewreýçe *Edom* we *gyzyl* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

Ysaw ant içip, öz nowbahar ogullyk haky-
ny Ýakuba satdy. 34 Ýakup Ysawa nan hem
gyzyl merjimek çorbasyny berdi. Ysaw
iýip-içip bolandan soň, turup gitdi. Ine,
şeýdip, Ysaw özüniň nowbahar ogullyk
hakyna biperwaý garady.

## 26-njy bap

### *Yshak Gerarda mesgen tutýar*

1 Ýurda Ybraýymyň döwründäki ýaly
başga bir açlyk düşdi. Yshak Gerara, pi-
liştlileriň şasy Abymelegiň ýanyna gitdi.
2-3 Reb Yshaga görnüp, oňa şeýle diýdi:
«Sen Müsüre gitmän, Meniň saňa gör-
kezjek ýurdumda gelmişek bolup ýaşaber.
Men seniň bilen bolaryn we seni ýalkaryn.
Şu ýurdy tutuşlygyna Men saňa hem se-
niň nesliňe berjekdirin we atañ Ybraýyma
eden wadamy ýerine ýetirjekdirin. 4-5 Ýer
ýüzüniň ähli milletleri seniň nesilleriň-
den pata alarlar. Ybraýymyň Maňa gulak
asandygy, Meniň özüne beren buýruk-
larymy, tabşyryklarymy, düzgünlerimi
we kanunlarymy ýerine ýetirendigi üçin,
Men seniň nesilleriňi asman ýyldyzlary
deý köpelderin. Bu ýurdy tutuşlygyna
Men seniň nesilleriňe bererin».
6 Şeýdip, Yshak Gerarda düşledi. 7 Ol
ýeriň adamlary Yshakdan onuň aýaly
hakynda soranda, ol «bu meniň aýalym»
diýmäge gorkup, olara «bu meniň aýal
doganym» diýdi. Yshak Rebeka sebäpli
bu ýeriniň halky özüni öldürer öýdýärdi,
çünki Rebeka juda owadandy. 8 Onuň bu
ýerde ýaşap ýörenine esli wagt bolupdy.
Bir gün piliştlileriň patyşasy Abymelek,
Yshagyň aýaly Rebeka bilen oýnaşyp
durandygyny penjireden gördi. 9 Abyme-
lek Yshagy öz ýanyna çagyryp, oňa: «Bu
seniň aýalyň ahyryn! Sen näme üçin oňa
„aýal doganym“ diýdiň?» diýip sorady.
Yshak Abymelege: «Ol meniň aýalym diý-
sem, men öldürilerin öýtdüm» diýip jogap
berdi. 10 Abymelek oňa: «Näme üçin sen
beýtdiň? Biziň adamlarymyzdan biri se-
niň aýalyňa ýanaşaýan bolsa, onda sen bizi
günä goýardyň» diýdi. 11 Soňra Abymelek:
«Şu adama ýa-da onuň aýalyna degeniň
başy ölümlidir» diýip, tutuş halka duýdu-
ryş berdi. 12 Yshak ol ýurtda ekin ekip, şol
ýylda hem ýüz esse artyk bugdaý hasyly-
ny aldy, çünki Reb ony ýalkapdy. 13 Yshak
gitdigisaýy baýap, döwletli adam boldy.
14 Onuň süri-süri ownukly-irili mallary we
köp sanly hyzmatkärleri bardy. Şol sebäpli
hem piliştliler Yshaga görübilmezçilik et-
diler. 15 Kakasy Ybraýymyň öz döwründe
gullaryna gazdyran ähli guýularyny pilişt-
liler toprakdan dolduryp, gömüp taşladylar.
16 Onsoň Abymelek Yshaga: «Bu ýerden
git, çünki sen bizden zor çykdyň» diýdi.
17 Yshak ol ýerden gidip, Gerar jülgesine
baryp, şol ýerde çadyryny dikip ornaşdy.
18 Yshak kakasy Ybraýymyň döwründe
gazylyp, ol ölenden soň piliştliler tarapyn-
dan gömlen guýulary täzeden gazyp, olary
kakasynyň dakan atlary bilen atlandyrdy.
19-20 Emma Yshagyň gullary jülgede guýy
gazyp, ol ýerde bir gözbaşyny tapanla-
rynda, Geraryň çopanlary «suw biziňki»
diýip, Yshagyň çopanlary bilen dawalaş-
dylar. Şeýdip, Yshak guýyny Esek [a] diýip
atlandyrdy, çünki olar Yshak bilen bäs-
deşlik etdiler. 21 Soňra olar başga bir guýy
gazdylar. Ol-da dawaly boldy. Ol guýyny
Yshak «Sitna» [b] diýip atlandyrdy. 22 Ys-
hak ol ýerden göçdi we ýene-de bir guýy
gazdy, ýöne oňa dawa eden bolmady, şol
sebäpden hem ol: «Ahyrsoňy Reb bize giň

[a] **26:19-20** ***Esek*** – bu söz *bäsdeşlik* diýmegi aňladýar.
[b] **26:21** ***Sitna*** – bu söz *duşmançylyk* diýmegi aňladýar.

meýdan berdi, indi biz bu ýurtda örňäris»
diýip, soňky guýynyň adyna Rehobot[a]
dakdy. 23 Yshak ol ýerden Beýerşeba gitdi.
24 Şol gije Reb Yshaga görnüp: «Men seniň
ataň Ybraýymyň Hudaýydyryn. Gorkma,
Men seniň bilen biledirin. Men Öz gulum
Ybraýymyň hatyrasyna saňa pata bererin
hem seniň nesliňi köpelderin» diýdi. 25 Ys-
hak ol ýerde gurbanlyk sypasyny ýasap,
Rebbe ybadat etdi. Şol ýerde çadyryny
dikdi. Onuň gullary bolsa guýy gazdylar.
26 Onsoň Yshagyň ýanyna Gerardan Aby-
melek, Abymelegiň maslahatçysy Ahuzat
hem onuň harby serkerdesi Pikol geldi.
27 Yshak olara: «Siz meni ýigrenip, öz ýur-
duňyzdan kowup goýberip, ýene meniň
ýanyma gelýärmisiňiz?» diýdi. 28-29 Olar
Yshaga şeýle jogap berdiler: «Rebbiň se-
niň bilen biledigine biziň gözümiz ýetdi.
Şoňa görä biziň saňa ýagşylykdan başga
hiç zat etmän, el gatman, seni parahatlyk
bilen goýberişimiz ýaly, seniň-de bize
ýamanlyk etmezligiň üçin özara ant içişip,
şertnama baglaşaly diýdik. Indi Reb seni
ýalkasyn». 30 Yshak myhmanlary hezzet-
ledi. Olar iýip-içdiler. 31 Olar ir bilen turup,
özara ant içişdiler. Yshak olary ugrat-
dy. Myhmanlar Yshagyň ýanyndan razy
bolup gaýtdylar. 32 Şol gün Yshagyň hyz-
matkärleri onuň ýanyna gelip, öz gazan
guýulary hakynda oňa gürrüň berdiler.
Olar Yshaga: «Biz suw tapdyk» diýdiler.
33 Yshak guýa «Şeba»[b] diýip at dakdy.
Şoňa görä-de bu galanyň adyna şu günki
güne çenli Beýerşeba[ç] diýlip gelinýär.

### *Ysawyň keseki aýallary*

34 Ysaw kyrk ýaşyna ýetende, het Be-
ýeriniň gyzy Ýehudyt we het Eýlonyň
gyzy Bosmata öýlendi. 35 Bu gelinler Ys-
hak bilen Rebekany janyndan doýurdylar.

## 27-nji bap

### *Yshak Ýakuba pata berýär*

1 Yshak garrap, gözden galypdy. Ol öz
uly ogly Ysawy ýanyna çagyryp, oňa:
«Oglum!» diýdi. Ysaw: «Näme, kaka?»
diýdi. 2 Yshak: «Men indi garradym,
haçan öljegim belli däl. 3 Indi sen aw
enjamlaryňy – sagdakdyr ýaýyňy al-da,
meýdana gidip, maňa aw awlap getir.
4 Ondan meniň halaýan tagamly naha-
rymy bişirip ber; iýeýin-de, ölmezimden
öň saňa pata bereýin» diýdi.
5-6 Yshagyň ogly Ysawa aýdan sözlerini
Rebeka diňläp durdy. Ysaw meýdana awa
gidende, Rebeka ogly Ýakuba şeýle diý-
di: «Kakaň doganyň Ysawa: 7 „Aw awlap
gel-de, ondan meniň halaýan tagamly na-
harymy bişirip ber; men ondan iýeýin-de,
ölmezimden öň Rebbiň huzurynda saňa
pata bereýin“ diýenini eşitdim. 8-9 Indi
maňa gulak as-da, meniň tabşyrygymy
ýerine ýetirgin, oglum. Git-de, sürüden
iki sany semiz owlak getir, men olardan
kakaňyň halaýan tagamly naharyny bi-
şireýin. 10 Sen ony kakaňa iýmäge eltip
berersiň, ol bolsa ölmezinden öň saňa
pata berer». 11 Ýakup ejesine şeýle jogap
berdi: «Doganym Ysaw tüýlek adam,
meniň derim bolsa tüýsüz. 12 Eger kakam
meni elläp göräýse, onda ol meniň özüni
aldaýandygymy biler. Men pata almagyň
deregine nälete galaryn». 13 Ejesi Ýakuba:
«Şol nälet, goý, maňa gelsin, oglum. Sen
maňa gulak as-da, gidip owlaklary getir»
diýdi. 14 Şeýdip, Ýakup gidip, ejesine iki

[a] **26:22** ***Rehobot*** – bu söz *giňlik* diýmegi aňladýar.
[b] **26:33** ***Şeba*** – bu söz *ant* diýmegi aňladýar.
[ç] **26:33** ***Beýerşeba*** – bu söz *ant guýusy* diýmegi aňladýar.

sany owlak getirip berdi. Ejesi Ysha-
gyň halaýan tagamly naharyny bişirdi.
15 Soňra Rebeka uly ogly Ysawyň öýdäki
gymmatbaha eşiklerini alyp, olary kiçi
ogly Ýakuba geýdirdi. 16 Onuň ellerini
we boýnunyň tüýsüz ýerlerini owlak
derisi bilen örtdi. 17 Soňra Rebeka bişi-
ren tagamly naharyny öz bişiren nany
bilen bile ogly Ýakubyň eline tutdurdy.
18 Ýakup kakasynyň ýanyna gelip:
«Kaka!» diýdi. Yshak: «Hawa! Sen kim,
oglummy?» diýdi. 19 Ýakup kakasyna:
«Men nowbahar ogluň Ysawdyryn. Men
seniň aýdyşyň ýaly edendirin. Indi dik
otur-da, getiren aw etimden iýip, maňa
pata beräý» diýdi. 20 Yshak oglundan:
«Awy nädip beýle çalt tapyp bildiň?»
diýip sorady. Ýakup: «Hudaýyň Reb
maňa tapmaga kömek etdi» diýip jogap
berdi. 21 Yshak Ýakuba: «Golaýragyma
süýş, oglum. Seni elläp göreýin, seniň,
hakykatdan-da, oglum Ysawdygyňy ýa-
da däldigiňi bir bileýin» diýdi. 22 Ýakup
kakasy Yshagyň alkymyna bardy. Ol
ogluny elläp gördi-de: «Ses Ýakubyň sesi,
ýöne eller Ysawyň elleri» diýdi. 23 Ýa-
kubyň elleri edil Ysawyňky ýaly tüýlek
bolansoň, Yshak ony tanaman, oňa pata
berdi. 24 Soňra Yshak ondan: «Sen, haky-
katdan-da, meniň oglum Ysawmy?» diýip
sorady. Ýakup: «Hawa, men şol» diýip jo-
gap berdi. 25 Yshak oňa: «Oglum, aw etiňi
getir, iýeýin-de, saňa pata bereýin» diýdi.
Ýakup nahary onuň öňünde goýdy; Ys-
hak iýdi, Ýakup şerap getirdi, Yshak içdi.
26 Yshak Ýakuba: «Gel, oglum, meni og-
şa» diýdi. 27 Ýakup kakasynyň alkymyna
baryp, ony ogşady. Yshak onuň geýimle-
riniň ysyny aldy we oňa pata berdi:

«Ine, oglumyň bu ysy
 Rebbiň bereket beren
 meýdanyň ysy ýalydyr.
28 Hudaý saňa
 Gögüň çygyndan,
mes toprakly ýerden,
 bol galla hem şerap bersin.
29 Halklar saňa hyzmat etsinler,
 il-uluslar saňa boýun egsinler.
Baştutan bol sen öz doganlaryňa,
 doganlaryň saňa boýun egsinler.
Seni näletlän, näletlensin,
 seni ýalkan, ýalkansyn!»

### *Ysaw Yshakdan pata sorap ýalbarýar*

30 Yshak Ýakuba pata berip, ol kaka-
synyň ýanyndan çykan dessine, dogany
Ysaw awdan gaýdyp geldi. 31 Ol hem ka-
kasyna tagamly nahar bişirip getirdi-de:
«Kaka, dik otur-da, getiren aw etimden
iýip, maňa pata ber» diýdi. 32 Yshak oňa:
«Sen kim?» diýdi. Ol: «Men seniň now-
bahar ogluň Ysaw» diýip jogap berdi.
33 Yshak tutuş göwresi bilen saňňyldap:
«Onda seniň öň ýanyňdan maňa aw etin-
den nahar bişirip getiren kimdi? Men
naharyň baryny iýip, oňa pata berdim-ä.
Ol indi pataly bolar!» diýdi. 34 Ysaw kaka-
synyň sözlerini eşidip, dady-perýat etdi.
Ol kakasyna: «Eý, kaka, maňa-da pata
ber, maňa-da!» diýip zarynlady. 35 Yshak
oňa: «Saňa berilmeli patany doganyň
aldy, ol meni aldan eken» diýdi. 36 Ysaw
kakasyna: «Oňa Ýakup [a] ady ýöne ýere
dakylmandyr. Ol meni ikinji gezek alda-
dy. Ol başda nowbahar ogullyk hakymy
aldy, ine, bu gün bolsa ol maňa berilmeli
patany aldy» diýdi. Onsoň Ysaw: «Sen
maňa hiç pata saklamadyňmy?» diýip,
kakasyna özelendi. 37 Yshak oňa: «Men
ony saňa baştutan etdim, ähli doganla-
ryňy oňa hyzmatkär edip berdim. Oňa
nandyr şerap berdim. Indi men saňa

[a] **27:36** Ýewreýçe *Ýakup* we *aldawçy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir. Seret: Gçk 25:26.

näme bereýin, oglum!» diýdi. 38 Emma
Ysaw kakasyna: «Kaka, sende bary-ýo-
gy ýeke pata barmydy näme, maňa-da
pata ber-dä!» diýip, içigip-içigip aglady.
39 Kakasy Yshak oňa şeýle jogap berdi:
«Seret, seniň mesgen tutjak
ýeriňde gökden çyg düşmez,
ol mes toprakly ýerden uzak
bolar.
40 Gylyjyňa daýanyp ýaşarsyň,
doganyňa hyzmat edersiň.
Wagt geler, garşylyk görkezersiň.
Onuň zulumyndan dynarsyň».
41 Kakasyndan alan patasy üçin Ysaw
Ýakuby ýigrenýärdi. Ol öz ýanyndan:
«Kakamyň ölüm pursady golaýlap gel-
ýär. Kakamyň ýas günleri geçenden soň,
men Ýakuby öldürerin» diýip oýlanýardy.
42 Uly ogly Ysawyň sözleri Rebeka baryp
ýetdi. Onsoň Rebeka kiçi ogly Ýakuby
çagyrtdy-da, oňa şeýle diýdi: «Doganyň
Ysaw senden ar almak üçin seni öldür-
megiň küýüne düşüp ýör. 43 Indi maňa
gulak as, oglum! Eglenme-de, Harana,
meniň erkek doganym Labanyň ýanyna
gaç! 44-45 Doganyň gahary ýatyşýança,
eden işiň onuň ýadyndan çykyşýança,
birsellem şol ýerde ýaşa. Soň men adam
iberip, seni ol ýerden özüm aldyraryn.
Bir günüň içinde ikiňizden hem mahrum
bolasym gelenok».
46 Soňra Rebeka Yshagyň ýanyna gelip,
oňa: «Men Ysawyň het aýallaryndan
halys irdim. Eger Ýakup şu het gyz-
laryndan birine öýlenäýse, onda men
nädip ýaşaryn?!» diýdi.

## 28-nji bap

1 Yshak Ýakuby öz ýanyna çagyryp,
oňa pata hem tabşyryk berip, şeýle diýdi:
«Sen het gyzlaryna öýlenme! 2 Sen Pada-
narama, babaň Betuweliň öýüne git-de,
şol ýerde daýyň Labanyň gyzlaryndan
birine öýlen. 3 Goý, Gudratygüýçli Hudaý
seni ýalkap, örňedip, köpeltsin. Goý, Ol
senden ençeme halklar döretsin. 4 Huda-
ýyň Ybraýyma beren ýurduny özümiziň
häzirki gelmişek bolup ýaşap ýören
ýurdumyzy eýelemegiň üçin, goý, Ol
saňa we seniň nesilleriňe Ybraýyma
beren patasyny bersin!» 5 Şondan soň
Yshak Ýakuby iberdi. Ýakup Betuwel
mesopotamiýalynyň ogly, Ýakubyň we
Ysawyň ejesi Rebekanyň dogany Laba-
nyň ýanyna Padanarama gitdi.

### *Ysaw başga aýala öýlenýär*

6-7 Yshagyň Ýakuba pata berip, Pada-
naramdan birine öýleneri ýaly, ony ol
ýere iberendigini we «kengan gyzlaryna
öýlenme!» diýip, Ýakuba tabşyryk be-
rendigini we onuň kakasydyr ejesiniň
sözüne gulak asyp, Padanarama gi-
dendigini Ysaw eşitdi. 8-9 Ysaw Kengan
gyzlaryny kakasynyň halamaýandygyny
bilip, Ysmaýylyň ýanyna gitdi we beý-
leki aýallarynyň üstüne Ybraýymyň
ogly Ysmaýylyň gyzy, Nebaýotyň aýal
dogany Mahalata öýlendi.

### *Ýakup Beýtelde düýş görýär*

10 Ýakup Beýerşebadan çykyp, Harana
tarap gitdi. 11 Gün ýaşanda, ol bir ýerde
düşledi. Ol bir daşy ýassanyp, şol ýerde
ýatdy. 12 Ýakup düýşünde ýerden asmana
uzalyp gidýän basgançaklary gördi. Hu-
daýyň perişdeleri şol basgançaklardan
ýokary çykyp, aşak düşüp ýörmüşler.
13 Basgançaklaryň çür başynda duran
Reb şeýle diýýär: «Ataň Ybraýymyň
we Yshagyň Hudaýy Reb Mendirin. Şu
ýatan topragyňy Men saňa we seniň nes-
liňe bererin. 14 Seniň nesliň ýer ýüzüniň
çägeleri kimin san-sajaksyz bolar. Olar
gündogara, günbatara, demirgazyga
hem-de günorta ýaýrarlar. Ýer ýüzüniň

ähli halklary sen arkaly hem-de nesliň
arkaly pata alarlar. 15 Men hemişe seniň
bilen biledirin. Sen nirede bolsaň-da,
Men seni goraryn we seni ýene-de şu
ýurda gaýtaryp getirerin. Men seni terk
etmerin we saňa beren wadamy ýerine
ýetirerin». 16 Ýakup oýanyp: «Haky-
katdan-da, Reb şu ýerde. Men muny
bilmändirin!» diýdi. 17 Ol gorkup: «Bu
nähili gorkunç ýer! Bu Hudaýyň öýi,
gögüň derwezesi» diýdi. 18 Ýakup daň
bilen turdy we kellesiniň aşagyna goýup
ýatan uly daşyny alyp, ony ýadygärlik
hökmünde dikdi we onuň üstüne zeýtun
ýagyny guýdy. 19 Ýakup bu ýere «Beý-
tel» [a] diýip at dakdy. Bu gala ozal Luz
diýip atlandyrylýardy. 20-21 Ol soňra ant
içip, şeýle diýdi: «Eger Hudaý meniň
ýene-de sag-aman atamyň öýüne dola-
nyp gelerim ýaly, meniň bilen bile bolup,
meni ýolda gorap, maňa iýmäge nan,
geýmäge eşik berse, onda Reb meniň
Hudaýym bolar. 22 Ýadygärlik diken
bu dikme daşymy Hudaýyň öýi diýip
hasaplaryn. Eý, Hudaý, Seniň maňa
beren her bir zadyň ondan birini men
Saňa bererin».

## 29-njy bap

### *Ýakup Labanyň ýanyna barýar*

1 Soňra Ýakup ýoluny dowam etdi-
rip, gündogar halkyň ýurduna geldi.
2 Ol başyny galdyranda, onuň gözi açyk
meýdandaky bir guýa düşdi. Guýy-
nyň başynda üç süri goýun ýatyrdy.
Bu goýun sürüleri şol guýudan suwa
ýakylýardy. Guýynyň agzynda ullakan
bir daş bardy. 3 Çopanlar sürüleriň ba-
ryny guýynyň başyna ýygnanlaryndan
soň, daşy aýryp, dowarlaryny suwa
ýakardylar-da, ýene-de daşy guýynyň
agzyna goýardylar.
4 Ýakup ol ýerdäki adamlardan: «Do-
ganlar, siz nireden?» diýip sorady. Olar:
«Biz haranly» diýdiler. 5 Ýakup olardan:
«Siz Nahoryň agtygy Labany tanaýarmy-
syňyz?» diýip sorady. Olar: «Tanaýarys»
diýdiler. 6 Ýakup ýene-de olardan: «Ol
sag-salamatmydyr?» diýip sorady. Olar:
«Hawa, ol sag-gurgundyr. Hanha, onuň
gyzy Rahel dowaryny sürüp gelýär» diý-
diler. 7 Soňra Ýakup: «Entek günortan
çagy ahyryn; entek dowarlary ýygnar-
dan ir; olary suwa ýakyň-da, äkidip
bakyň» diýdi. 8 Olar: «Çopanlar sürüleri
ýygnaýança, biz dowarlary suwa ýakyp
bilmeris; guýynyň agzyndaky daş aý-
rylandan soň, dowarlary suwa ýakyp
bileris» diýdiler.
9 Ýakup olar bilen gepleşip durka, Ra-
hel kakasynyň dowarlaryny guýa getirdi.
Rahel çopandy. 10 Ýakup Raheli öz daýysy
Labanyň sürüsi bilen görende, ol guýy-
nyň ýanyna bardy-da, onuň agzyndaky
daşy aýryp, daýysy Labanyň dowar-
laryny guýudan suwa ýakdy. 11 Soňra
ol Raheli ogşap, içigip-içigip aglady.
12 Ýakup özüniň Raheliň kakasy bilen
garyndaşdygyny, özüniň Rebekanyň og-
ludygyny Rahele aýtdy. Rahel ylgap gidip,
kakasyna habar berdi. 13 Laban öz ýegeni
Ýakubyň gelendigini eşidip, ylgap onuň
öňünden çykdy. Ol Ýakuby gujaklap
ogşady; ony öýüne alyp gaýtdy. Ýakup
Labana bolup geçen wakalaryň hem-
mesini gürrüň berdi. 14 Laban oňa: «Sen
meniň öz süýegim, öz tenimsiň» diýdi.

### *Ýakup Rahele we Leýa öýlenýär*

Ýakup Labanyň öýünde bir aý ýaşan-
dan soň, 15 Laban oňa: «Garyndaşym

[a] **28:19** ***Beýtel*** – bu söz *Hudaýyň öýi* diýmegi aňladýar.

diýip, sen maňa şeýdip, mugt hyzmat
etjek ýörjekmi? Saňa näçe zähmet hak
tölemeli? Aýt!» diýdi. 16 Labanyň iki gy-
zy bardy. Ulusynyň ady Leýa, kiçisiniň
ady bolsa Raheldi. 17 Leýanyň gözleri
mylaýymdy, Rahel bolsa syratlydy we
owadandy. 18 Ýakup Raheli söýdi. Ol La-
bana: «Kiçi gyzyň Rahel üçin men ýedi
ýyl hyzmatyňy edeýin» diýdi. 19 Laban:
«Ony başga birine berenden, saňa bere-
nim gowudyr. Meniň ýanymda boluber»
diýdi. 20 Ýakup Rahel üçin ýedi ýyllap
Labanyň hyzmatyny etdi. Raheli juda
söýýändigine görä, ýedi ýyl onuň üçin
ýedi gün ýaly bolup geçip gitdi.

21 Bir gün Ýakup Labana: «Möhletim
doldy, gelinligimi maňa ber, men onuň
ýanyna gireýin» diýdi. 22 Şeýdip, La-
ban töwerek-daşyny çagyryp, toý tutdy.
23 Emma şol gije Laban Raheliň deregine
uly gyzy Leýany Ýakubyň ýanyna alyp
bardy; Ýakup Leýa ýanaşdy. 24 (Laban
hyzmatkäri Zilpany gyzy Leýa gyrnak
edip beripdi.) 25 Daň atdy, ine, görse bu
Leýa eken. Ýakup Labana: «Bu näme
etdigiň boldy? Men saňa Rahel üçin
hyzmat etmänmidim näme? Sen näme
üçin meni aldadyň?» diýdi. 26 Laban
oňa: «Ulusy otyrka, kiçisi durmuşa çy-
karylmaz. Bu biziň ilimiziň däbidir.
27 Bir hepdelik toý dabarasy geçsin, saňa
Raheli-de bererin, ýöne onuň üçin ýene
ýedi ýyl hyzmatymy etmeli bolarsyň»
diýdi. 28 Ýakup Laban bilen ylalaşdy. Bir
hepdelik toý dabarasy geçenden soň, La-
ban kiçi gyzy Raheli-de Ýakuba berdi.
29 (Laban hyzmatkäri Bilhany Rahele
gyrnak edip beripdi.) 30 Ýakup Rahele
hem ýanaşdy. Ol Raheli Leýadan artyk
söýýärdi. Ol Labana ýene-de ýedi ýyl
hyzmat etdi.

### *Ýakubyň çagalary*

31 Reb Leýanyň söýülmeýändigini gö-
rüp, onuň ýatgysyny açdy. Rahelden
bolsa çaga dogmaýardy. 32 Leýa göw-
reli bolup, bir ogul dogurdy. Ol ogluna
Ruben diýip at goýdy, çünki ol: «Reb
meniň betbagtlygymy gördi [a], indi me-
ni adamym halar» diýdi. 33 Ol ýene-de
göwreli boldy we bir ogul dogurdy. Ol:
«Reb meniň söýülmeýändigimi eşidip,
maňa bu ogly hem berdi» diýdi. Leýa
oglunyň adyna Şimgon [b] dakdy. 34 Leýa
üçünji gezek göwreli bolup, ýene-de bir
ogul dogurdy. Ol: «Adamymyň ýüregi
indi maňa baglansa gerek, çünki men
oňa üç ogul dogrup berdim» diýdi. Şol
sebäpden hem ol üçünji oglunyň adyna
Lewi [ç] dakdy. 35 Leýa ýene-de göwreli
bolup, bir ogul dogurdy. Ol: «Indi men
Rebbe alkyş aýdaryn» diýip, oglunyň
adyna Ýahuda [d] dakdy. Soňra ol çaga
dogmakdan galdy.

## 30-njy bap

1 Rahel Ýakuba çaga dogrup bermän-
digini görende, ol öz aýal doganyna
göriplik etdi. Ol Ýakuba: «Maňa-da çaga
ber, ýogsam, men ölerin» diýdi. 2 Ýaku-
byň muňa gahary gelip: «Hudaý seni
çagadan mahrum edýär. Men Hudaýmy
näme?!» diýdi. 3 Rahel oňa: «Gyrnagym
Bilha bilen ýat. Goý, ol maňa senden

[a] **29:32 *Ruben… betbagtlygymy gördi*** – ýewreýçe *Ruben* we *betbagtlygymy gördi* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

[b] **29:33** Ýewreýçe *Şimgon* we *eşidýär* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

[ç] **29:34** Ýewreýçe *Lewi* we *baglansa* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

[d] **29:35** Ýewreýçe *Ýahuda* we *alkyş* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

ogul dogrup bersin. Şeýdip, Bilhanyň
üsti bilen men hem çagaly bolaýyn»
diýdi. 4 Ol öz gyrnagy Bilhany Ýakuba
aýallyga berdi; Ýakup onuň bilen ýatdy.
5 Bilha göwreli bolup, Ýakuba bir ogul
dogrup berdi. 6 Onsoň Rahel: «Hudaý
meni aklady, Ol, hakykatdanam, meniň
dilegimi eşidip, maňa bir ogul berdi»
diýip, oglanyň adyna Dan [a] dakdy. 7 Ra-
heliň gyrnagy Bilha ýene-de göwreli
bolup, Ýakuba ikinji ogul dogrup berdi.
8 Rahel: «Doganym bilen juda çynlakaý
göreşdim we ýeňdim» diýip, oglunyň
adyna Naftaly [b] dakdy.

9 Leýa özüniň dogurmakdan galandy-
gyna göz ýetirip, öz gyrnagy Zilpany
Ýakuba aýallyga berdi. 10 Leýanyň gyrna-
gy Zilpa Ýakuba bir ogul dogrup berdi.
11 Leýa: «Meniňki şowuna boldy» diýip,
oglunyň adyna Gat [ç] dakdy. 12 Leýanyň
gyrnagy Zilpa Ýakuba ikinji ogul dogrup
berdi. 13 Leýa: «Men bagtlydyryn! Gyz-
lar maňa bagtly diýerler» diýip, ikinji
oglunyň adyna Aşer [d] dakdy.

14 Bugdaý oragy döwründe bir gün Ru-
ben ekin meýdanyna gitdi we ol ýerden
selmelek köklerini [e] tapdy. Ruben ony
ejesi Leýa getirip berdi. Rahel Leýanyň
ýanyna gelip, oňa: «Ogluňyň getiren sel-
melek köklerinden maňa-da ber» diýdi.
15 Leýa oňa: «Ärimi elimden alanyňy
az görüp, indi oglumyň getiren selme-
lek köklerini-de alsam diýýärmiň?»
diýdi. Rahel oňa: «Bolýar, selmelek
kökleriniň deregine Ýakup şu gije se-
niň bilen ýataýsyn» diýdi. 16 Agşamara
Ýakup meýdandan gaýdyp gelýärkä,
Leýa onuň öňünden çykyp: «Sen bu
gije meniň ýanyma gir. Oglumyň ge-
tiren selmelek kökleri bilen seniň şu
gijelik kireýiňi töledim» diýdi. Ýakup
şol gije Leýa ýanaşdy. 17 Hudaý Leýanyň
dilegini eşitdi. Leýa göwreli bolup, Ýa-
kuba bäşinji ogul dogrup berdi. 18 Leýa:
«Bu – öz gyrnagymy adamyma berenim
üçin, Hudaýyň maňa beren muzdudyr»
diýip, oglanyň adyna Ysakar [ä] dakdy.
19 Leýa ýene göwreli bolup, Ýakuba al-
tynjy ogul dogrup berdi. 20 Leýa: «Hudaý
maňa ajaýyp sowgat etdi. Indi adamym
maňa hormat goýar, çünki men oňa al-
ty ogul dogrup berdim» diýip, altynjy
oglunyň adyna Zebulun [f] dakdy. 21 Ol
soňra bir gyz dogurdy we onuň adyna
Dina dakdy. 22 Hudaý Raheli ýatdan
çykarmandy. Ol Raheliň dilegini eşidip,
onuň ýatgysyny açdy. 23 Rahel göwreli
bolup, bir ogul dogurdy. Ol: «Hudaý
meniň aýybymy aýyrdy. 24 Goý, Reb
maňa ýene-de ogul bersin!» diýip, onuň
adyna Ýusup [g] dakdy.

### *Ýakup Laban bilen söwdalaşýar*

25 Ýusup doglandan soň, Ýakup La-
bana şeýle diýdi: «Meni goýber, men
öz mekanyma, öz ýurduma gideýin.
26 Meniň saňa nähili hyzmat edendigimi
seniň özüň bilýänsiň. Men aýallarymdyr

---

[a] **30:6** Ýewreýçe *Dan* we *aklawçy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **30:8** Ýewreýçe *Naftaly* we *men göreşdim* diýen sözleminiň aýdylyşy meňzeşdir.
[ç] **30:11** ***Gat*** – bu söz *şowlulyk* diýmegi aňladýar.
[d] **30:13** ***Aşer*** – bu söz *bagtly* diýmegi aňladýar.
[e] **30:14** ***Selmelek kökleri*** – söýgi hyjuwyny artdyrýan ösümlikler.
[ä] **30:18** Ýewreýçe *Ysakar* we *muzd* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[f] **30:20** Ýewreýçe *Zebulun* we *hormat* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[g] **30:24** Ýewreýçe *Ýusup* we *ýene-de bersin* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

çagalarym üçin zähmet çekdim. Şonuň
üçin sen olary maňa ber. Indi men gi-
deýin». 27 Laban oňa: «Men saňa bir zat
aýdaýyn. Men Rebbiň özümi sen sebäpli
bereketli edendigini pal üsti bilen bildim.
28 Saňa näçe tölemelidigini aýt, men tö-
lärin» diýdi. 29 Şonda Ýakup oňa şeýle
diýdi: «Meniň saňa nähili hyzmat eden-
digimi, dowarlaryňyň meniň döwrümde
nähili köpelendigini sen özüň bilýänsiň.
30 Meniň gelmezimden öň, seniň dowar-
laryň sany azdy, olar men gelenimden
soň köpeldi. Meniň aýak basan ýerimde[a],
Reb saňa bereket berdi. Indi men öz hoja-
lygym üçin haçan işläýin?» 31 Laban oňa:
«Men saňa näme bereýin?» diýdi. Ýakup:
«Maňa hiç zat gerek däl. Eger sen meniň
şu maslahatymy alsaň, onda men seniň
dowarlaryňy ýene-de bakyp, olara göz-
gulak bolaryn. 32 Şu gün sen ähli sürülere
aýlanyp, tegmiltli ýa-da menekli goýun-
lary, geçileri, gara guzulary sürüden
aýyr. Olar meniň hyzmat hakym bolar.
33 Soň sen şol berenleriňi görmäge gele-
niňde, meniň dogruçyldygymy görersiň.
Eger meniň sürimde tegmiltsiz ýa-da
meneksiz geçiler we gara däl goýunlar
tapylaýsa, şonda sen olary ogurlyk ha-
saplap bilersiň». 34 Laban: «Bolýar, goý,
seniň diýşiň ýaly bolsun» diýdi. 35 Emma
şol günüň özünde Laban ala-mula we
menekli erkeçleriň, tegmiltli we menekli,
şeýle hem ak gatyşygy bolan geçileriň
ählisini we gara goýunlaryň baryny
sürüden çykaryp, öz ogullarynyň gözeg-
çiligine berdi. 36 Soňra Laban üç günlük
ýola barabarlykda Ýakupdan arany açdy.
Ýakup Labanyň beýleki galan sürüsini
bakmagyny dowam etdirdi.

37 Ýakup derek, badam hem-de çynar
agaçlarynyň öl çybyklaryny alyp, olaryň
gabygyny ýol-ýol aýranda ak zolaklar
peýda boldy. 38-39 Ol zolakly çybyklary
dowarlaryň öňünde suw içýän nowala-
ryna salyp goýdy. Dowarlar nowalardan
suw içmäge gelenlerinde, çybyklaryň
öňünde goça gelip, bogaz boldular we
ala-mula, tegmiltli hem-de menekli
owlak-guzulary guzladylar. 40 Ýakup
guzularyny aýry saklap, olary Labanyň
ala-mula we gara dowarlarynyň garşy-
synda bakýardy. Şeýdip, Ýakup özüne
süri edindi we ony Labanyň sürüsine
goşmady. 41 Sagdyn dowarlar goça ge-
lenlerinde, çybyklaryň öňünde goça
gelerleri ýaly, Ýakup çybyklary hemi-
şe olaryň öňünde nowalarda goýardy.
42 Hor dowarlar goça gelende bolsa Ýakup
olaryň öňünde çybyk goýmaýardy. Şun-
lukda, sagdyn dowarlar Ýakubyňky, hor
dowarlar Labanyňky bolýardy. 43 Şeýdip,
Ýakup juda baýady. Indi onuň süri-süri
dowarlary, gul-gyrnaklary, düýeleri hem
eşekleri bardy.

## 31-nji bap

### *Ýakup Labanyň ýanyndan gidýär*

1-2 Ýakup Labanyň ogullarynyň: «Ýa-
kup biziň kakamyzyň ähli emlägine
eýe boldy. Ol özüniň bütin baýlygyny
kakamyzyň hasabyna gazandy» diýen
gürrüňini eşitdi. Ýakup Labanyň hem
özüne bolan garaýşynyň öňküsi ýaly
däldigini gördi. 3 Onsoň Reb Ýakuba:
«Ata-babaňyň mekanyna, öz garyndaş-
laryňyň arasyna dolan, Men seniň bilen
bile bolaryn» diýdi. 4-5 Şoňa görä Ýakup
Rahel bilen Leýany meýdana, dowarla-
ryň ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi:
«Görýärin welin, kakaňyzyň maňa ga-
raýşy öňküsi ýaly däl. Ýöne kakamyň

[a] **30:30** ***Meniň aýak basan ýerimde*** – ýa-da *Men sebäpli.*

Hudaýy meniň bilendir. **6** Kakaňyza
meniň janymy aýaman hyzmat eden-
digimi siz bilýänsiňiz. **7** Kakaňyz bolsa
meni aldap, zähmet hakymy on gezek
üýtgetdi, ýöne Hudaý oňa maňa zelel
ýetirmäge ýol bermedi. **8** Laban maňa:
„Tegmiltli dowarlar seniň hakyň bolsun“
diýende, dowarlar uçdantutma tegmilt-
li guzulary guzladylar. Ol: „Ala-mula
dowarlar seniň hakyň bolsun“ diýende
bolsa, dowarlar uçdantutma ala-mula
owlak-guzulary guzladylar. **9** Şeýdip,
Hudaý kakaňyzyň dowarlaryny ondan
alyp, maňa berdi.
**10** Dowarlaryň höwre gelýän möwsü-
minde men bir düýş gördüm. Düýşümde
çakyşýan tekelerdir geçiler diňe ala-mu-
la, tegmiltli we hallymyş. **11** Şonda
düýşümde Hudaýyň perişdesi maňa:
„Ýakup!“ diýip ýüzlendi. Men Oňa: „Lep-
beý!“ diýip jogap berdim. **12** Perişde:
„Seret, çakyşýan tekelerdir geçiler diňe
ala-mula, tegmiltli we hallydyr. Laba-
nyň saňa edýän zatlarynyň ählisini Men
gördüm. **13** Men Beýtel Hudaýydyryn.
Sen ol ýerde bir dikme daşyň üstüne
zeýtun ýagyny guýupdyň we ant içipdiň.
Indi sen bu ýurtdan git-de, öz dogduk
mekanyňa dolan“» diýdi.
**14** Rahel bilen Leýa Ýakuba şeýle jogap
berdiler: «Atamyzyň öýünde bize ne paý,
ne-de miras bar. **15** Ol bizi keseki hasap-
lamaýarmy näme?! Çünki ol bizi satdy,
biz üçin tölenen kümüşleri-de satyp iýdi.
**16** Hudaýyň kakamyzyň elinden alan ähli
baýlygy bize hem biziň çagalarymyza
degişlidir. Indi sen Hudaýyň diýenini
ýerine ýetir».
**17-18** Şeýdip, Ýakup çagalarydyr
aýallaryny düýelere mündürip, ähli
mallaryny – Padanaramda toplan ähli
mal-mülküni alyp, öz kakasy Yshagyň
ýanyna – Kengan ýurduna tarap ýola
düşdi. **19** Laban öz dowarlaryny gyrk-
maga giden wagty, Rahel kakasynyň
öý butlaryny ogurlady. **20** Ýakup bolsa
özüniň bu ýerden gaçýandygyny Laban
mesopotamiýalydan gizlemek bilen, ony
aldawa saldy. **21** Şeýdip, Ýakup ähli em-
lägini alyp, ol ýerden gaçdy. Ol Ýewfrat
derýasyndan geçip, Gilgat daglygyna
tarap ýöneldi.

### *Laban Ýakuby yzarlaýar*

**22** Üçünji gün Ýakubyň gaçandygy
hakdaky habar Labana gelip ýetdi. **23** La-
ban garyndaşlaryny ýanyna alyp, ýedi
günläp Ýakubyň yzyndan kowup, Gilgat
daglygynda onuň yzyndan ýetdi. **24** Şol
gije Hudaý Laban mesopotamiýaly-
nyň düýşünde oňa: «Gulak as! Ýakuba
ýagşydan-ýamandan zat diýme» diý-
di. **25** Laban Ýakubyň yzyndan ýetende,
Ýakup daglykda öz çadyryny dikipdi.
Laban hem öz garyndaşlary bilen Gil-
gat daglygynda öz çadyrlaryny dikdi.
**26** Laban Ýakuba şeýle diýdi: «Bu näme
etdigiň boldy? Näme üçin meni aldadyň
we gyzlarymy söweşde ele salnan ýe-
sirler ýaly edip alyp gaýtdyň? **27** Näme
sebäpden sen gaýtjakdygyňy menden
ýaşyrdyň? Men seni şady-horramlyk
hem aýdym bilen, deprek we lira [a] bilen
ugradardym. **28** Sen hatda maňa agtyk-
larymdyr gyzlarymy ogşamaga-da
mümkinçilik bermediň. Sen akmaklyk
etdiň. **29** Saňa ýamanlyk etmäge meniň
güýjüm ýetýär. Emma seniň ataňyň
Hudaýy öten agşam maňa: „Gulak as!
Ýakuba ýagşydan-ýamandan zat diýme“
diýip tabşyrdy. **30** Bar, seniň gaýdanyň
hiç diýeli. Men seniň ataň öýündäkileriň

[a] **31:27** ***Lira*** – kirişli saz guraly. Sözlüge seret.

didaryna gaty zar bolandygyňy bilýä-
rin. Ýöne meniň hudaýlarymy ogurlap
gaýtmaň näme?» 31 Ýakup Labana şeý-
le jogap berdi: «Gyzlaryňy elimden
alarsyň öýdüp gorkdum. 32 Ýöne seniň
hudaýlaryňy ogurlap gaýdan diri galmaz.
Garyndaşlarymyzyň gözüniň alnynda
ähli goşlary barlap çyk-da, özüňe degişli
näme tapsaň, al-da gidiber». Hudaýla-
ry Raheliň ogurlandygyndan Ýakup
bihabardy.

33 Laban Ýakubyň, Leýanyň we iki
gyrnagyň çadyryny barlady, ýöne but-
lary tapmady. Ol Leýanyň çadyryndan
çykyp, Raheliňkä girdi. 34 Rahel butlary
alypdy we olary düýäniň howudynyň
aşagynda gizläp, özi-de onuň üstünde
oturypdy. Laban çadyryň ähli ýerini bar-
lap çykdy, ýöne olary tapmady. 35 Rahel
kakasyna: «Kaka, seniň ýanyňda ýerim-
den turmaýanlygym üçin meni bagyşla,
çünki häzir men görüm görýärin» diýdi.
Laban hernäçe agtarsa-da, butlardan de-
rek tapyp bilmedi. 36 Ýakup gaharlanyp,
Labana şeýle diýdi: «Beýle yzarlaryň
ýaly, meniň näme etmişim, näme günäm
bar? 37 Sen meniň ähli zatlarymy dörüp
çykdyň, emma öý goşlaryňdan, heý, ta-
pan zadyň boldumy? Eger bir zat tapan
bolsaň, hany, onda ony özüňiň we meniň
garyndaşlarymyň öňünde goý, haýsymy-
zyň mamladygymyzy, goý, olaryň özi
çözsün. 38 Ine, ýigrimi ýyllap men seniň-
kide bolanymda, seniň goýunlaryňdyr
geçileriň guzy ýa owlak düşüren däldir.
Men seniň sürüleriňden ýekeje goç-da
iýen däldirin. 39 Ýyrtyjy haýwanlaryň
parçalan mallaryny men seniň ýanyňa
getirip hem durmadym; men hemişe
ýitenleri öz boýnuma aldym. Gündiz
ogurlanandygy-da, gije ogurlanandy-
gy-da belli bolmadyklary sen menden
talap etdiň. 40 Gündiz jöwzadan, gije
aňzakdan ejir çekerdim. Gijeleri çirim
etmän geçirerdim. 41 Öýüňde ýaşan ýig-
rimi ýylym, ine, şeýle geçdi. Iki gyzyň
üçin on dört ýyl, dowarlaryň üçin alty
ýyl hyzmatyňy etdim. Emma sen me-
niň zähmet hakymy on gezek üýtgetdiň.
42 Eger atam Ybraýymyň Hudaýy we
kakam Yshagyň Heder Edýäni meniň
bilen bile bolmadyk bolsa, onda sen
häzir hem meni boş kowup goýberer-
diň. Hudaý meniň çeken ezýetlerimi
hem zähmetimi görüp, öten agşam saňa
duýduryş berdi».

### *Ýakup bilen Laban ylalaşýarlar*

43 Onsoň Laban Ýakuba: «Aýallaryň
meniň gyzlarym, çagalaryň meniň ça-
galarym, dowarlaryň meniň dowarlarym.
Ine, şu görýän zatlaryň ählisi meniňkidir.
Ýöne men öz gyzlarymy hem olaryň
çagalaryny yzyna alyp bilmen ahyryn.
44 Gel, ikimiz özara äht edişeli. Bu äht
ikimize şaýat bolsun» diýdi. 45 Ýakup bir
uly daşy aldy-da, ony dikdi. 46 Soňra ol
öz garyndaşlaryna: «Daş toplaň» diýdi.
Olar ýygnan daşlaryndan bir üýşmek ýa-
sap, onuň gapdalynda naharlandylar. 47 Ol
üýşmegi Laban Ýagar-sahaduta[a], Ýakup
bolsa Galet[b] diýip atlandyrdy. 48 Laba-
nyň: «Şu daş depesi bize şaýat bolsun»
diýendigine görä, ol ýere Galet diýen
at galdy. 49 Bu uly daşa Mispa[ç] diýip at
dakyldy, çünki Laban: «Biri-birimizden
uzak düşen mahalymyz, Reb bizi göz-
den salmasyn» diýdi. 50-51 Laban Ýakuba

---

[a] **31:47** ***Ýagar-sahaduta*** – arameýçe bu sözler *şaýatlyk üýşmegi* diýmegi aňladýar.
[b] **31:47** ***Galet*** – ýewreýçe bu söz *şaýatlyk üýşmegi* diýmegi aňladýar.
[ç] **31:49** Ýewreýçe *Mispa* we *diň* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

ýene-de şeýle diýdi: «Eger gyzlaryma azar beräýseň ýa-da olaryň üstüne aýal alaýsaň, onda bilip goýgun, aralykda adam bolmasa-da, bize Hudaýyň Özi şaýatdyr. Ine, şu daş üýşmegi bilen şu dikme daş biziň ähtimize şaýatlyk etsin. 52 Biri-birimiziň tarapymyza ýaman niýet bilen geçmeli däldigimize, goý, ine, şu üýşmek bilen şu dikme daş şaýatlyk etsin. 53 Ybraýymyň Hudaýy we Nahoryň hudaýy (olaryň atalarynyň hudaýlary) biziň dawamyzy çözsünler!» diýdi. Soňra Ýakup öz kakasy Yshagyň Heder Edýäninden ant içdi. 54 Ýakup dagyň üstünde gurbanlyk berip, garyndaşlaryny nahara çagyrdy. Olar naharlandylar we gije dagda ýatdylar. 55 Laban daň bilen turup, agtyklarydyr gyzlaryny ogşap, olara pata berip, öz mekanyna gaýtdy.

## 32-nji bap

### *Ýakup Ysaw bilen duşuşyga taýynlanýar*

1 Ýakup öz ýoly bilen gidip barýarka, Hudaýyň perişdeleri ony garşylady. 2 Ýakup olary görüp: «Bu Hudaýyň düşelgesi» diýdi. Şeýdip, Ýakup ol ýeri Mahanaýym[a] diýip atlandyrdy.

3-4 Ýakup Edom ýurdunyň Segir diýilýän ýerine, dogany Ysawyň ýanyna habarçy ýollap: «Meniň jenabym Ysawa şeýle diýiň» diýip, öz habarçylaryna şu sözleri aýtmaklygy buýurdy: «Seniň guluň Ýakup şeýle diýýär: „Men Labanyňkyda şu wagta çenli gelmişek bolup ýaşadym. 5 Men ençeme öküzli, eşekli, dowarly hem gul-gyrnakly boldum. Seniň göwnüňi taparym ýaly, men saňa habar ýollaýaryn“». 6 Habarçylar Ýakubyň ýanyna gaýdyp geldiler. Olar: «Biz seniň doganyň Ysawyň ýanyna bardyk. Ol seni garşylamaga gelýär. Onuň ýanynda dört ýüz adam bar» diýdiler. 7-8 Muny eşidip, Ýakup juda gorkdy. Ol öz ýanyndan: «Eger Ysaw bir toparyň üstüne çozup, ony basyp alaýanda-da, beýleki topar gutular» diýip, öz adamlaryny, ownukly-irili mallaryny hem düýelerini iki topara böldi.

9 Soňra Ýakup şeýle dileg etdi: «Eý, maňa: „Öz ýurduňa, öz dogan-garyndaşlaryňyň arasyna dolan, Men saňa ýagşylyk ederin“ diýen Rebbim, atam Ybraýym bilen kakam Yshagyň Hudaýy! 10 Men Seniň sadyk söýgiňe we wepalylygyňa mynasyp däldirin. Iordan derýasyndan geçenimde, elimdäki hasamdan başga zadym ýokdy. Indi bolsa men iki toparyň eýesi boldum. 11 Ýalbarýaryn, meni öz doganym Ysawyň elinden halas et! Men onuň gelip, biziň hemmämizi, çagalary hem olaryň ejelerini öldürerinden gorkýaryn. 12 Sen maňa: „Men saňa ýagşylyk ederin, seniň nesliňi deňiz ýakasyndaky san-sajaksyz çägeler deý köpelderin“ diýipdiň».

13-15 Ýakup ol gijäni şol ýerde geçirdi. Özünde bar bolan mallardan iki ýüz geçi bilen ýigrimi erkeji, iki ýüz goýun bilen ýigrimi goçy, otuz sany köşekli saglyk düýäni, kyrk sygyr bilen on öküzi we ýigrimi sany urkaçy eşek bilen on sany erkek eşegi öz dogany Ysawa sowgat etmek üçin saýlap aldy. 16 Ýakup olary aýry-aýry sürüler edip, öz gullarynyň öňüne saldy we olara: «Menden öňde ýöräň we her süriniň arasynda çäk saklaň» diýip tabşyrdy. 17-18 Ýakup olaryň ilkinjisine şeýle tabşyryk berdi: «Doganym Ysaw öňüňden çykyp: „Sen kimiň adamy? Ugruň nirä? Öňüňdäki süri

[a] **32:2** ***Mahanaýym*** – bu söz *iki düşelge* diýmegi aňladýar.

kimiňki?“ diýip sorasa: „Bular guluň
Ýakubyňky. Ýakup bulary öz jenaby
Ysawa sowgat iberdi. Yzymyzdan onuň
özi-de gelýär“ diýiň». 19 Ýakup ikinji,
üçünji guluna, sürüleriň yzyna düşüp
giden ähli gullaryna-da şol bir tabşyry-
gy berip: «Ysawa duşanyňyzda, hut şol
bir sözleri aýdarsyňyz. 20 Şeýle hem siz:
„Guluň Ýakup-da yzdan gelýär“ diýersi-
ňiz» diýdi. Çünki Ýakup öz ýanyndan:
«Şu öňden ugradýan sowgatlarym bilen
men Ysawyň ýüregini ýumşadaryn. Soň-
ra men onuň bilen ýüzbe-ýüz görşerin.
Ol, belki, meni kabul eder» diýip oýlandy.
21 Şeýdip, Ýakup sowgatlary özünden
öň iberip, şol gijäni düşelgede geçirdi.

### *Ýakup göreş tutýar*

22 Şol gije Ýakup turup, iki aýalyny, iki
gyrnagyny hem-de on bir çagasyny alyp,
Ýabok derýasynyň güzerinden geçdi.
23 Olary derýanyň aňyrsyna geçirenden
soň, Ýakup ýanyndaky mal-mülkleriniň
ählisini hem derýanyň aňyrsyna iber-
di. 24 Ýakubyň ýeke özi galdy. Tä daň
şapagy dogýança, bir kişi bilen göreş
tutdy. 25 Ýakubyň baş bermeýändigini
görensoň, ol kişi Ýakubyň uýlugynyň
oýjugyna urup, onuň uýlugyny ýazdyrdy.
26 Ol Ýakuba: «Daň şapagy dogup gel-
ýär, meni goýber!» diýdi. Ýakup oňa:
«Tä maňa pata berýänçäň, men seni
goýbermerin» diýdi. 27 Ol adam Ýakup-
dan: «Adyň näme?» diýip sorady. Ol:
«Ýakup» diýip jogap berdi. 28 Ol adam
Ýakuba: «Indi seniň adyň Ýakup däl-de,
Ysraýyl bolar, çünki sen Hudaý hem
adamlar bilen göreş tutuşyp[a], olardan
üstün çykdyň» diýdi. 29 Ýakup ondan:
«Seniň adyň näme?» diýip sorady. Ol:
«Meniň adymy näme üçin soraýarsyň?»
diýip, şol ýerde Ýakuba pata berdi. 30 Ýa-
kup ol ýeri «Peniýel»[b] diýip atlandyrdy.
Ýakup: «Çünki men Hudaýy ýüzbe-ýüz
görübem, diri galdym» diýdi. 31 Ýakup
Peniýelden[ç] çykyp barýarka, Gün dogdy.
Ol uýlugyna deglendigi sebäpli agsaýar-
dy. 32 (Ysraýyllar henize çenli uýlukdaky
siňri iýmeýärler, çünki Hudaý Ýakubyň
uýlugyndaky siňre degipdi.)

## 33-nji bap

### *Ýakup Ysaw bilen duşuşýar*

1 Ýakup töweregine seredip, Ysawyň
dört ýüz adam bilen bile gelýändigini
gördi. Şeýdip, ol çagalaryny Leýanyň,
Raheliň we iki gyrnagynyň arasynda
böldi. 2 Gyrnaklaryny öz çagalary bilen
bile öňde, Leýany öz çagalary bilen bile
olaryň yzyndan, Rahel bilen Ýusuby
bolsa hemmesiniň yzyndan goýdy. 3 Ýa-
kubyň özi bolsa tutuş maşgalasynyň
öňüne düşüp, doganyna golaýlaşýança,
oňa ýedi gezek iki bükülip tagzym et-
di. 4 Emma Ysaw Ýakuba tarap ylgady;
ol Ýakubyň boýnundan gujaklap, ony
ogşady. Olar aglaşdylar. 5 Soňra Ysaw
töweregine seredip, aýallary hem ça-
galary gördi. Ol: «Ýanyňdakylar kim?»
diýip sorady. Ýakup Ysawa: «Bular Hu-
daýyň öz guluňa merhemet bilen beren
çagalarydyr» diýip jogap berdi. 6-7 Onsoň
gyrnaklar öz çagalary bilen, soňra Le-
ýa öz çagalary bilen gelip, oňa tagzym
etdiler. Iň soňundan bolsa Rahel bilen

---

[a] **32:28** ***Ysraýyl… göreş tutuşyp*** – ýewreýçe *Ysraýyl* we *Hudaý bilen göreş tutuşýar* diýen sözleminiň aýdylyşy meňzeşdir.

[b] **32:30** Ýewreýçe *Peniýel* we *Hudaýyň ýüzi* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

[ç] **32:31** ***Peniýel*** – ýewreýçe *Penuwel*. Bu Peniýeliň beýleki adydyr.

Ýusup gelip, oňa tagzym etdiler. 8 Ysaw
Ýakupdan: «Men mal sürüsi bilen gelýän
adamlara duşdum. Olary näme üçin iber-
diň?» diýip sorady. Ýakup oňa: «Olary
men sen jenabymyň göwnüni tapmak
üçin iberdim» diýip jogap berdi. 9 Ysaw
oňa: «Dogan, meniň özümiňki özüme
ýeterlik, seniň öz zadyň özüňki bolsun»
diýdi. 10 Şonda Ýakup oňa: «Ýok, beýt-
me. Eger men seniň göwnüňden turan
bolsam, onda sen meniň sowgatlarymy
kabul et. Men seniň ýüzüňi görüp, hut
Hudaýyň ýüzüni gören ýaly boldum.
Sen meni açyk ýüz bilen garşy aldyň.
11 Iberen sowgatlarymy kabul et. Hudaý
meni ýalkady. Mende hemme zat bar»
diýdi. Şeýdip, Ýakup Ysawy sowgatla-
ryny kabul etmäge yrdy; Ysaw olary
kabul etdi.

12 Soňra Ysaw Ýakuba: «Indi bu ýer-
den ugralyň, men siziň gapdalyňyzdan
ýörärin» diýdi. 13 Ýakup oňa şeýle jogap
berdi: «Çagalaryň näzikdigini, sagylýan
ownukly-irili mallaryň maňa aladady-
gyny, meniň jenabym bilýändir. Eger
dowarlary gaty gyssasak, olaryň bary
haram öler. 14 Şoňa görä-de, jenabym,
sen öz guluňyň öňünden gidiber. Men
mallaryň hem çagalaryň aýagyna ýöräp,
gyssanman barybererin. Jenabym, seniň
bilen Segirde duşuşarys».

15 Ysaw oňa: «Men hem öz adam-
larymdan birnäçesini seniň ýanyňda
galdyraýyn» diýdi. Emma Ýakup oňa:
«Beýtmek nämä gerek? Jenabym maňa
eýýäm ýeterlik merhemet etdi» diýip jo-
gap berdi. 16 Ysaw öňden gaýdyp, şol gün
Segire tarap ýola düşdi. 17 Emma Ýakup
Sukoda tarap gitdi. Ol ýerde özüne öý
gurdy, mallaryna bolsa agyllar ýasady.
Şol sebäpden-de ol bu ýeri «Sukot» [a]
diýip atlandyrdy.

18 Ýakup Padanaramdan Kengandaky
Şekem galasyna sag-aman geldi. Ol gala-
nyň eteginde düşledi. 19 Ýakup çadyryny
diken ýerindäki bir bölek ýeri, Şekemiň
atasy Hamoryň ogullaryndan ýüz kü-
müş teňňä satyn aldy. 20 Soňra Ýakup
bu ýerde gurbanlyk sypasyny ýasap,
ony El-Elohe-Ysraýyl [b] diýip atlandyrdy.

## 34-nji bap

### *Dina bilen Şekem*

1 Leýanyň Ýakuba dogrup beren gyzy
Dina ýerli halkyň gyzlaryny görmäge
gitdi. 2 Bu ýurduň begi, hiwilerden bolan
Hamoryň ogly Şekem Dinany görüp, ony
tutdy, zorlap, namysyna degdi. 3 Şekem
gyza ýürekden aşyk boldy. Ol gyzy söýdi
we onuň göwnüni tapjak bolýardy. 4 Şe-
kem kakasy Hamora: «Şu gyzy maňa
alyp ber» diýdi.

5 Hamoryň oglunyň Dinany biabraý
edendigini Ýakup eşitdi. Onuň ogullary
bolsa meýdanda mallaryň üstündedi. Ýa-
kup ogullary gelýänçä sesini çykarmady.

6-7 Ýakubyň ogullarynyň meýdandan
gaýdyp gelýän wagty, Şekemiň kakasy
Hamor Ýakup bilen gepleşmek üçin onuň
ýanyna gitdi. Oglanlar bu habary eşidip,
gazap donuny geýdiler. Çünki Şekem
Ýakubyň gyzy bilen ýatyp, ysraýyl hal-
kyny ile ryswa edipdi. 8 Hamor Ýakuba
şeýle diýdi: «Meniň oglum Şekem siziň
gyzyňyza ölemen aşyk. Gyzyňyzy meniň
ogluma aýallyga beräýiň. 9 Garyndaş-
lyk açalyň, gyz alşyp-berşeliň. 10 Siz şu
ýurtda biz bilen bile mesgen tutup, islän
ýeriňizde ýaşap, söwda-satyk ediň we

[a] **33:17** ***Sukot*** – bu söz *agyllar* diýmegi aňladýar.

[b] **33:20** ***El-Elohe-Ysraýyl*** – bu söz *Ysraýyl Hudaýy Hudaý* diýmegi aňladýar.

özüňize mülk ediniň». 11 Soňra Şekem
söze goşulyp, Dinanyň kakasyna we
doganlaryna şeýle diýdi: «Maňa merhe-
met ediň, onsoň men size islän zadyňyzy
bererin. 12 Galyňmy, gymmatbaha ser-
paýlarmy, garaz, diliňiziň geplän zadyny
men size bererin, maňa diňe şol gyzy
aýallyga berseňiz bolýar». 13 Emma Ýaku-
byň ogullary öz uýalary Dinany biabraý
eden Şekeme we onuň kakasyna mekirlik
bilen jogap berdiler. 14 Olar şeýle diýdiler:
«Uýamyzy sünnetsize bermeris. Bu biziň
üçin namys bolar. 15 Diňe şu şert bilen
ylalaşarys: siziň ähli erkekleriňiz biziň
ýaly sünnetlensin. 16 Şeýtseňiz, onda biz
siziň bilen gyz alşyp-berişmäge-de, siz
bilen bile bir ýerde mekan tutmaga-da, bir
halk bolmaga-da taýýardyrys. 17 Eger-de
siz biziň sözümize gulak asyp, sünnetlen-
meseňiz, onda gyzymyzy alyp gideris».

18 Bu şert Hamor bilen onuň ogly Şeke-
me ýarady. 19 Şekem bu işi eglemedi, çünki
ol Ýakubyň gyzyny söýýärdi. Şekem
maşgalada iň hormatlanýanydy. 20 Hamor
bilen Şekem ikisi gala derwezesindäki
duşuşyk geçirilýän ýere gelip, halka şeýle
ýüzlendiler: 21 «Ol adamlar biziň dostlary-
myzdyr. Goý, olar şu ýurtda mesgen tutup,
söwda-satyk etsinler. Ýurdumyz giň ahy-
ryn, ol bize-de, olara-da ýeter. Olar bilen
gyz alşyp-berşeliň. 22 Bu adamlar diňe
şu şert bilen – biziň ähli erkeklerimiziň
özleri ýaly sünnetlenmek şerti bilen bi-
ziň aramyzda ýaşap, biziň bilen bir halk
bolmaga razylaşarlar. 23 Olar bilen razyla-
şalyň, goý, olar biziň bilen bile otursynlar.
Onsoň olaryň ähli mallary we mal-mülk-
leri biziňki bolar!» 24 Hamor bilen onuň
ogly Şekemiň sözüni kabul edip, galanyň
ähli erkekleri sünnetlendiler.

25 Üç gün geçipdi. Erkekler heniz sün-
netiň yzasyny çekýärdiler. Ýakubyň iki
ogly, Dinanyň agalary Şimgon bilen
Lewi gala duýdansyz hüjüm edip, ol
ýerdäki erkekleriň ählisini uçdantutma
gylyçdan geçirdiler. 26 Hamor bilen onuň
ogly Şekemi-de öldürip, Dinany Şeke-
miň öýünden alyp gaýtdylar. 27 Ýakubyň
beýleki ogullary öldürilenleriň ýanyna
geldiler we öz uýalarynyň biabraý edi-
lendigi üçin galany taladylar. 28-29 Olar
ownukly-irili mallary, eşekleri, galanyň
içindäki hem meýdandaky ähli zatlary
we olaryň ähli baýlyklaryny olja aldy-
lar; aýallaryny we oglan-uşaklaryny
ýesir aldylar we öýlerindäki bar zatlary
taladylar. 30 Ýakup Şimgon bilen Lewä:
«Siz bu ýurduň ilaty bolan kenganlardyr
perizleri maňa duşman edip, başymy be-
la sokduňyz. Biz azlyk edýändiris. Olar
bize garşy baş göterip, meni bütin hoja-
lygym bilen bilelikde gyrgyna bererler»
diýdi. 31 Ogullary Ýakuba: «Uýamyza
loly hökmünde garalmagyna ýol berip
bolmaz ahyryn» diýdiler.

## 35-nji bap

### *Hudaý Beýtelde Ýakuba pata berýär*

1 Hudaý Ýakuba: «Beýtele git-de, şol
ýerde mesgen tut. Doganyň Ysawdan
gaçyp barýarkaň, özüňe görnen Hudaýa
gurbanlyk sypasyny ýasa» diýdi. 2 Şeýdip,
Ýakup maşgalasyna we ýanyndakylara
ýüzlenip: «Keseki hudaýlaryňyzy taşlaň,
tämizleniň we geýimleriňizi çalşyryň.
3 Geliň, Beýtele gideliň. Ol ýerde has-
ratly günümde maňa kömek eden we
giden ýerimde meniň bilen bolan Huda-
ýa gurbanlyk sypasyny ýasaýyn» diýdi.
4 Şondan soň olar öz keseki hudaýlaryny
we gulakhalkalaryny Ýakuba berdiler.
Ýakup olary Şekemiň golaýyndaky dub
agajynyň aşagynda gizledi.

5 Soňra olar ýola düşdüler. Ýakubyň
ogullaryny hiç kim yzarlamaz ýaly,

töwerekdäki galalaryň ählisiniň ilaty-
ny Hudaýyň gorkusy gaplady. 6 Ýakup
öz adamlary bilen Kengandaky Luza,
ýagny häzirki Beýtele geldi. 7 Ýakup ol
ýerde gurbanlyk sypasyny ýasap, ol ýeri
«Beýteliň Hudaýy» diýip atlandyrdy, se-
bäbi Ýakup doganyndan gaçyp barýarka,
Hudaý Özüni şol ýerde oňa aýan edipdi.
8 Rebekanyň enekesi Debora aradan
çykdy we ol Beýteliň golaýyndaky dub
agajynyň düýbünde jaýlandy. Şeýdip, bu
agaç Alon-bakut[a] diýlip atlandyryldy.
9 Ýakup Padanaramdan gaýdyp gelen-
den soň, Hudaý Özüni Ýakuba ýene-de
aýan edip, oňa pata berdi. 10 Hudaý Ýa-
kuba: «Seniň adyň häzir Ýakup, ýöne
mundan beýläk seniň adyň Ýakup däl-de,
Ysraýyl bolar» diýdi. Şeýdip, Ol onuň
adyna Ysraýyl dakdy. 11 Soňra Hudaý
ýene: «Men Gudratygüýçli Hudaýdyryn.
Örňäň, köpeliň. Senden millet we birto-
par milletler dörär, seniň nesilleriňden
şalar çykar. 12 Ybraýyma, Yshaga beren
ýurdumy saňa we seniň nesliňe bererin»
diýdi. 13 Soňra Hudaý Ýakup bilen söz-
leşen ýerinden ýokary göterilip gitdi.
14 Ýakup Hudaýyň özi bilen gepleşen
ýerinde uly daş dikdi we onuň üstüne
içgi sadakasyny hem-de zeýtun ýagyny
guýdy. 15 Ýakup Hudaýyň özi bilen gep-
leşen ýerini Beýtel[b] diýip atlandyrdy.

### *Raheliň ölümi*

16 Olar Beýtelden ugradylar. Efrat wela-
ýatyna ýetmäge sanlyja menzil galanda,
ýolda Raheliň çagasynyň bolmaly pur-
sady gelip, ony agyr burgy tutup ugrady.
17 Agyr burgy tutýarka, göbegene oňa:
«Gorkma, ine, seniň munyň-da ogul!»
diýdi. 18 Jany çykyp barýan Rahel ogluna
Benony[ç] diýip at dakdy. Ýöne kakasy
onuň adyna Benýamin[d] goýdy. 19 Şeýdip,
Rahel dünýäden ötdi. Ol Efrata, ýagny
Beýtullahama gidilýän ýoluň gyrasynda
jaýlanyldy. 20 Ýakup Raheliň guburynyň
üstünde bir uly daş dikdi. (Şol daş Rahe-
liň guburynyň üstünde şu güne çenli hem
dur.) 21 Ysraýyl ýene ýoluny dowam etdirdi.
Ol Eder diňiniň aňyrsynda öz çadyryny
dikdi. 22-23 Ysraýyl Ederde ýaşaýarka, onuň
ogly Ruben öz kakasynyň gyrnak aýaly
Bilha bilen ýatdy. Ysraýyl muny eşitdi.
Ysraýylyň on iki ogly bardy. Onuň Le-
ýadan bolan ogullary: Ruben (nowbahar
ogly), Şimgon, Lewi, Ýahuda, Ysakar, Ze-
bulun; 24 onuň Rahelden bolan ogullary:
Ýusup, Benýamin; 25 onuň Raheliň gyrna-
gy Bilhadan bolan ogullary: Dan, Naftaly;
26 onuň Leýanyň gyrnagy Zilpadan bolan
ogullary: Gat we Aşer. Bu Ýakubyň Pada-
naramda doglan ogullarydy.

### *Yshagyň ölümi*

27 Ýakup Ybraýym bilen Yshagyň gel-
mişek bolup ýaşan ýeri bolan Mamrä,
ýagny Kirýatarba (Hebrona) kakasy Ys-
hagyň ýanyna geldi. 28 Yshak ýüz segsen
ýyl ömür sürdi. 29 Ol garrap dünýäden
ötüp, ata-babalaryna gowuşdy. Ogullary
Ysaw bilen Ýakup ony jaýlady.

## 36-njy bap

### *Ysawyň nesilleri*

1 Ysawyň, ýagny Edomyň nesilleri
şulardyr. 2-3 Ysaw Kengan gyzlaryna

---

[a] **35:8** ***Alon-bakut*** – bu söz *agyly dub agajy* diýmegi aňladýar.
[b] **35:15** ***Beýtel*** – bu söz *Hudaýyň öýi* diýmegi aňladýar.
[ç] **35:18** ***Benony*** – bu söz *hasratymda doglan ogul* diýmegi aňladýar.
[d] **35:18** ***Benýamin*** – bu söz *oglum – sag elim* diýmegi aňladýar.

öýlendi. Ol het Eýlonyň gyzy Ada, hiwi
Sibgonyň ogly Ananyň gyzy Oholybama
hem-de Ysmaýylyň gyzy, Nebaýotyň
aýal dogany Bosmata öýlendi. 4Ada
Ysawa Elipazy, Bosmat Reguwaly,
5Oholybama bolsa Ýeguşy, Ýaglamy we
Korany dogrup berdi. Ine, şular Ysawyň
Kengan ýurdundaka doglan ogullarydyr.

6Ysaw aýallaryny, ogul-gyzlaryny,
hojalygyndakylaryň ählisini, malla-
ryny hem-de Kenganda gazanan ähli
emlägini alyp, dogany Ýakubyň ýanyn-
dan aýrylyp, başga ýere gitdi. 7Olaryň
maly juda köpdi. Şeýle bolansoň, olar
bir ýerde ýaşap biljek däldiler, olaryň
dowarlaryna öri darlyk edýärdi. 8Ysaw,
ýagny Edom Segir daglygynda ýaşa-
dy. 9Segir daglygyndaky edomlaryň
atasy bolan Ysawyň nesilleri şulardyr.
10Olaryň atlary şeýledir: Ysawyň aýa-
ly Adadan bolan ogly Elipaz, Ysawyň
aýaly Bosmatdan bolan ogly Reguwal.
11Elipazyň ogullary: Teýman, Omar,
Sepo, Gatam we Kenaz. 12Timna Ysa-
wyň ogly Elipazyň gyrnak aýalydy. Ol
Elipaza Amalegi dogrup berdi. Bular
Ysawyň aýaly Adadan bolan nesilleri-
dir. 13Reguwalyň ogullary: Nahat, Zera,
Şamma we Miza. Bular Ysawyň aýaly
Bosmatdan bolan nesilleridir. 14Ysa-
wyň aýaly Oholybama Sibgonyň agtygy,
Ananyň gyzydy. Oholybama Ysawa şu
ogullary: Ýeguşy, Ýaglamy we Korany
dogrup berdi.

15-16Ysawyň nesillerinden dörän urug-
başylar şulardyr: Ysawyň nowbahar
ogly Elipazyň ogullary: Teýman, Omar,
Sepo, Kenaz, Kora, Gatam we Ama-
lek. Şular Elipazyň Edom ýurdundaky
ogullarydyr; olar Ysawyň Adadan bolan
ogullarydyr. 17Ysawyň ogly Reguwalyň
ogullary şulardyr: urugbaşylar Nahat,
Zera, Şamma, Miza. Bular Reguwalyň
Edom ýurdundaky ogullarydyr. Olar
Ysawyň aýaly Bosmatdan bolan ogul-
larydyr. 18Ysawyň aýaly Oholybamadan
bolan ogullary: Ýeguş, Ýaglam, Kora.
Bular Ysawyň Ananyň gyzy Oholyba-
madan bolan ogullarydyr. 19Bularyň
hemmesi Ysawyň, ýagny Edomyň ogul-
larydyr. Olar urugbaşylardyr.

20-21Hory tiresinden Segiriň ogullary
şulardyr: Lotan, Şobal, Sibgon, Ana,
Dişon, Eser we Dişan. Olar ýurduň
ýaşaýjylarydyr we horylaryň urugbaşy-
larydyr. Bular Segiriň Edom ýurdundaky
ogullarydyr. 22Lotanyň ogullary şular-
dyr: Hory, Homam. Timna Lotanyň aýal
doganydy. 23Şobalyň ogullary: Alwan,
Manahat, Eýbal, Şepo, Onam. 24Sibgo-
nyň ogullary: Aýa, Ana (ol kakasynyň
eşeklerini bakyp ýörkä, çölde gyzgyn
suwly çeşmeleri tapdy). 25Ananyň ça-
galary: Dişon we gyzy Oholybama.
26Dişonyň ogullary: Hemdan, Eşban,
Ýytran, Keran. 27Eseriň ogullary: Bilhan,
Zagawan, Akan. 28Dişanyň ogullary: Us,
Aran. 29-30Segir ýurdundaky uruglaryna
görä hory urugbaşylary şulardyr: Lotan,
Şobal, Sibgon, Ana, Dişon, Eser, Dişan.

### *Edom patyşalary*

31Ysraýyllara hiç bir patyşa şalyk et-
mezden öň Edom ýurdunda höküm süren
patyşalar şu aşakdakylardyr. 32Begoryň
ogly Bala Edomda patyşalyk etdi. Onuň
paýtagt galasynyň ady Dinhabady. 33Ba-
la dünýäden ötüp, onuň ýerine Bosra
galasyndan bolan Zeranyň ogly Ýobap
patyşa boldy. 34Ýobap dünýäden ötüp,
onuň ýerine teýmanly Huşam patyşa
boldy. 35Huşam dünýäden ötüp, onuň
ýerine Mowap topragynda midýanlary
ýeňen, Bedatyň ogly Hadat patyşa boldy.
Onuň paýtagt galasynyň ady Awytdy.
36Hadat dünýäden ötüp, onuň ýerine

masrekaly Samla patyşa boldy. 37 Sam-
la dünýäden ötüp, onuň ýerine Ýewfrat
derýasynyň boýundaky Rehobotdan
bolan Şawul patyşa boldy. 38 Şawul dün-
ýäden ötüp, onuň ýerine Akboryň ogly
Bagalhanan patyşa boldy. 39 Akboryň
ogly Bagalhanan dünýäden ötenden
soň onuň ýerine Hadar patyşa boldy. Ol
Pagu galasyndandy. Hadaryň aýalynyň
ady Meheýtabeldi. Ol Matrediň gyzy,
Meýzahabyň agtygydy.

40-43 Uruglary, ýurtda mesgen tutýan
ýerleri hem atlary boýunça Ysawdan
dörän edom urugbaşylary şulardyr:
Timna, Alwa, Ýetet, Oholybama, Ela,
Pinon, Kenaz, Teýman, Mibsar, Mag-
dyýel, Iram. Bu uruglaryň hemmesi
Ysawdan döredиler.

## 37-nji bap

### *Ýusup we onuň doganlary*

1 Ýakup öz kakasynyň gelmişek bolup
mesgen tutan ýurdy bolan Kenganda
ýaşaýardy. 2 Ýakubyň maşgalasynyň
kyssasy şeýledir.

On ýedi ýaşly Ýusup, öweý ejeleri Bil-
hadan we Zilpadan bolan doganlary bilen
bile süri bakýardy. Ýusup doganlarynyň
eden işlerini kakasyna şugullaýardy. 3 Ys-
raýyl Ýusuby beýleki ogullaryndan has
gowy görerdi, çünki ol Ýakubyň garran
wagty doglupdy. Ýakup oňa üýtgeşik
don[a] tikipdi. 4 Ýusubyň doganlary öz
kakalarynyň Ýusuby özlerinden has
ileri tutýandygyny gördüler. Şoňa görä-
de, olar Ýusuby ýigrenerdiler we onuň
bilen sözleri alyşmazdy.

5 Bir gün Ýusup düýş gördi. Ol düýşüni
doganlaryna gürrüň berende, olar Ýu-
suby öňkülerindenem beter ýigrendiler.
6 Ýusup olara şeýle diýdi: «Diňläň, men
şeýle düýş gördüm. 7 Biz ekin meýdanyn-
da desse bogýarmyşyk. Birdenkä meniň
dessäm ýerinden galyp, dikelip durýar-
myşyn; siziň desseleriňiz bolsa onuň
daşyna aýlanyp, oňa baş egýärmişler».
8 Doganlary Ýusuba: «Bäh, sen biziň
üstümizden hökümdarlyk edäýermi-
käň, bizi dolandyraýarmykaň?» diýdiler.
Şeýdip, olar Ýusuby düýşi hem-de özleri
barada aýdan sözleri üçin has-da beter
ýigrendiler.

9 Ýusup ýene bir düýş gördi we ol
ony-da doganlaryna gürrüň berdi. Ol:
«Men ýene bir düýş gördüm. Onda Gün,
Aý hem-de on bir sany ýyldyz maňa
baş egýärmişler» diýdi. 10 Ýusup muny
kakasyna-da, doganlaryna-da gürrüň
berdi. Kakasy oňa käýäp: «Bu nähili
düýş boldugy? Bäh, men, ejeň, dogan-
laryň – hemmämiz saňa iki bükülip
tagzym etmeli bolaýarmykak?» diýdi.
11 Şeýdip, doganlary Ýusuba göriplik
edýärdiler, ýöne bu sözler onuň kaka-
syny oýa batyrdy.

12-13 Bir gün Ýusubyň doganlary kaka-
larynyň dowarlaryny bakmaga Şekeme
giden wagtlarynda, Ysraýyl Ýusuba:
«Doganlaryň Şekemde dowarlary bakyp
ýörler. Sen olaryň ýanyna gidip gel»
diýdi. Ýusup: «Bolýar, gidäýerin» diýdi.
14 Ýakup Ýusuba: «Git-de, doganlaryň-
dan habar al. Janlary sagmyka, dowarlar
tükelmikä, bilip gel» diýip, ony Hebron
deresiniň içi bilen ugratdy.

Ýusup Şekeme geldi. 15 Meýdanda on-
dan-oňa aýlanyp ýörkä, oňa bir adam
duşup: «Näme ideýärsiň?» diýip sora-
dy. 16 Ýusup: «Doganlarymy ideýärin.
Aýtsana, olar mallaryny nirede bak-
ýarkalar?» diýdi. 17 Ol adam: «Olar bu

[a] **37:3** ***Üýtgeşik don*** – ýa-da *dürli reňkli don* ýa-da *uzyn ýeňli don.*

ýerden gitdiler, men olaryň: „Dotana
gideliň“ diýenlerini eşitdim» diýdi. Ýu-
sup doganlarynyň yzyndan gidip, olary
Dotandan tapdy.
18 Doganlary Ýusuby uzakdan görüp,
heniz ýakynlaşmanka, ony öldürmegiň
kastyna çykdylar. 19 Olar biri-birlerine:
«Hanha, düýş görüji gelýär. 20 Geliň, ony
öldürip, şu gurruk guýularyň birine
taşlalyň-da, ony bir ýyrtyjy haýwan
iýipdir diýeliň. Onsoň göreli-bakaly,
onuň düýşleri çyn bolup çykaýarmy-
ka!» diýişdiler.
21 Muny Ruben eşidip: «Ýok, ony öl-
dürmäliň» diýip, Ýusuby halas etmäge
çalyşdy. 22 Ýusuby bularyň elinden halas
etmek we ony sag-aman yzyna, kaka-
synyň ýanyna ibermek üçin, Ruben
olara: «Ony şu çöldäki guýa taşlaň, ýöne
oňa el gatyp, ganyna galaýmaň!» diý-
di. 23-24 Ýusup doganlarynyň ýanyna
gelende, olar onuň egnindäki üýtgeşik
donuny sypyrdylar-da, Ýusuby gurruk
guýa taşladylar.
25 Olar naharlanmaga oturanlarynda,
Gilgatdan ysmaýyllaryň kerweniniň
gelýändigini gördüler. Düýelere hoş-
boý ysly otlar, melhem hem-de ladan
ýüklenendi. Olar bu ýükleri Müsüre
alyp barýardylar. 26 Ýahuda doganlaryna:
«Doganymyzy öldürip, ganhorlygymy-
zy gizlänimiz bilen gazanýan zadymyz
näme?! 27 Geliň, ony ysmaýyllara satalyň,
goý, ol biziň elimizden jebir çekmesin,
ol biziň doganymyzdyr, öz süýegimiz-
dir» diýdi. Doganlary Ýahuda gulak
asdylar. 28 Midýan täjirleri ol ýerden
geçip barýarkalar, doganlary Ýusuby
guýudan çykaryp, ony ýigrimi kümüş
teňňä ysmaýyllara[a] satdylar. Olar bolsa
Ýusuby Müsüre alyp gitdiler. 29 Ruben
guýa gaýdyp geldi we ol ýerden Ýusuby
tapmansoň, ýakasyny ýyrtyp zarynlady.
30 Ol doganlarynyň ýanyna baryp:
«Oglan ýok, indi men nädeýin!» diýdi.
31 Onsoň olar bir erkeji soýup, Ýusubyň
donuny onuň ganyna buladylar. 32 Olar
Ýusubyň üýtgeşik donuny kakalarynyň
ýanyna eltip: «Biz bu dony tapdyk, seret,
bu seniň ogluňyň don-a däldir-dä?» diý-
diler. 33 Ýakup dony tanap: «Bu oglumyň
dony! Ony bir ýyrtyjy haýwan iýipdir;
Ýusup şek-şübhesiz parçalanypdyr» diýip
aglady. 34 Ýakup ýakasyny ýyrtyp zaryn-
lap, ençeme günläp oglunyň ýasyny tutdy.
35 Ýakubyň ähli ogullarydyr gyzlary gelip,
oňa göwünlik berjek boldular, emma
oňa göwünlik berip bilmediler. Ýakup:
«Şu hasratym bilen ölüler dünýäsindäki
oglumyň ýanyna gitjek» diýdi. Şeýdip,
kakasy Ýusubyň ýasyny tutmagyny
dowam etdirdi. 36 Şol arada midýanlar
Ýusuby Müsürde faraonyň janpenalary-
nyň baştutany Potypara satdylar.

## 38-nji bap

### *Tamar bilen Ýahuda*

1 Şol wagtlar Ýahuda öz doganlaryndan
aýrylyp, adullamly Hira diýen biriniň
ýanyna gidip, şol ýerde ornaşdy. 2 Ýahuda
ol ýerde Şuga diýen bir kenganyň gyzy
bilen tanşyp, öýlenip, oňa ýanaşdy. 3 Aýal
göwreli bolup, bir ogul dogurdy. Ýahuda
onuň adyna Er dakdy. 4 Onuň aýaly ikinji
gezek göwreli bolup, ýene-de bir ogul
dogurdy. Ol oglanyň adyna Onan dakdy.
5 Ol soňra ýene-de bir ogul dogurdy we
onuň adyna Şela dakdy. Aýaly soňky
ogluny dogranda, Ýahuda Kezipdedi.
6 Ýahuda nowbahar ogly Eri Tamar
diýen gyza öýerdi. 7 Emma Ýahudanyň

[a] **37:28** ***Ysmaýyllara*** – bu midýanlaryň beýleki ady.

nowbahar ogly Eri Rebbiň nazarynda
pislik edendigi üçin, Reb ony öldürdi.
8 Ýahuda Onana: «Doganyňyň nesli ýitip
gitmez ýaly, sen öz gelnejeňe ýanaşmaga
borçlusyň» diýdi. 9 Emma Onan özünden
önjek çagalaryň öz nesli bolmajakdygy-
ny bilýärdi. Şol sebäpden-de ol her wagt
gelnejesine ýanaşanda, çaga galmazlygy
üçin tohumyny ýere dökerdi. 10 Onan
Rebbiň nazarynda pislik edendigi üçin,
Reb ony öldürdi. 11 Ýahuda gelni Tamara:
«Sen ataň öýüne git-de, oglum Şela ýigit
çykýança, ol ýerde dullugyňa ýaşaber»
diýdi. Çünki Ýahuda Şela-da beýleki
iki dogany ýaly öler öýdüp gorkýardy.
Şeýdip, Tamar atasy öýüne gitdi.

12 Esli wagtdan soň Ýahudanyň aýaly –
Şuganyň gyzy aradan çykdy. Aýalynyň
matamy sowlansoň, Ýahuda dosty adul-
lamly Hira bilen öz gyrkymçylarynyň
ýanyna Timna gitdi. 13 Tamara: «Gaýyn-
ataň dowarlaryny gyrkdyrmaga Timna
gidýär» diýip habar berdiler. 14 Ol dul-
luk geýimini çalşyryp, ýüzüni büräp,
daşyna örtgi oranyp, Timna gidilýän
ýoluň ugrundaky Eýnaýymyň derwe-
zesiniň agzynda oturdy. Çünki Tamar
Şelanyň ýigit çykandygyny bilýärdi, em-
ma ol heniz Şela berilmändi. 15 Ýahuda
ony gördi we ýüzi örtülgi bolansoň, ol
loludyr öýtdi. 16 Ýahuda bu aýalyň öz
gelnidiginden bihabar bolansoň, oňa ta-
rap öwrülip: «Meniň bilen ýatjakmy?!»
diýdi. Ol Ýahudadan: «Eger seniň bilen
ýataýsam, sen maňa näme berersiň?»
diýip sorady. 17 Ýahuda ol aýala: «Öz sü-
rimden bir owlak ibererin» diýip jogap
berdi. Ol Ýahuda: «Owlagy iberýänçäň,
girew goýup bilermiň?» diýdi. 18 Ýa-
huda ondan: «Saňa girew hökmünde
näme bereýin?» diýip sorady. Ol aýal:
«Boýnuňdan asylgy möhüriňi gaýşy bi-
len hem-de eliňdäki hasaňy ber» diýdi.
Şeýdip, Ýahuda bulary oňa berip, onuň
bilen ýatdy. Şunlukda, ol aýal ondan
göwreli boldy. 19 Aýal öýüne gidip, bü-
renjegini aýryp, ýene-de dulluk geýimini
geýdi. 20 Ýahuda girewine goýan zatla-
ryny ol aýaldan almak üçin, adullamly
dostundan oňa bir owlak iberdi, ýöne ony
tapmady. 21 «Eýnaýymda, ýoluň ugrunda
azgyn aýal otyrdy, şol niredekä?» diýip,
ol ýerli adamlardan sorady. Emma oňa:
«Bu ýerde hiç haçan azgyn aýal bolman-
dy» diýip jogap berdiler. 22 Ol Ýahudanyň
ýanyna dolanyp geldi we oňa: «Men
ony tapmadym, ýerli adamlar hem: „Bu
ýerde hiç haçan azgyn aýal bolmandy“
diýýärler» diýdi. 23 Ýahuda: «Biziň üs-
tümizden gülmezleri ýaly, goý, ol zatlar
şonuňky bolsun. Men owlagy iberdim,
ýöne sen ol aýaly tapyp bilmediň» diýdi.

24 Üç aýa golaý wagt geçenden soň,
oňa: «Gelniň Tamar loluçylyga ýüz urup,
göwreli bolupdyr» diýip habar berdi-
ler. Ýahuda: «Ony daşary çykaryň-da,
ýakyň» diýdi. 25 Tamary daşary çyka-
ranlarynda, ol gaýynatasyna şu habary
ýollap: «Men, ine, şu möhüriň, gaýşyň
hem-de hasanyň eýesinden göwreli bol-
dum. Seret-de, bulary tanap, olaryň
kimiňkidigini bil!» diýip, girewine alan
zatlaryny gaýynatasyna iberdi. 26 Ýahuda
öz zatlaryny tanap, şeýle diýdi: «Ol men-
den has mamla, sebäbi men ony oglum
Şela dakmadym». Şondan soň, Ýahuda
hiç haçan Tamar bilen ýatmady. 27 Aýy-
güni dolup, dogurmaly pursady gelende,
Tamaryň göwresinde ekiz çaganyň bar-
dygy mälim boldy. 28 Ol dogranda, ilki
bir çaganyň eli çykdy. Göbegene «Şu
öň doguldy» diýip, çaganyň goşaryna
gyrmyzy sapak daňdy. 29 Ýöne çaga eli-
ni ýene yzyna çekip aldy we onuň inisi
ilki doguldy. Göbegene: «Sen nädip zor
bilen çykdyň?» diýdi. Şol sebäpden hem

onuň adyna Peres [a] dakyldy. 30 Soňra eli gyrmyzy sapakly çaga doguldy. Onuň adyna Zera goýuldy.

## 39-njy bap

### *Ýusup Potypara hyzmat edýär*

1 Ysmaýyllar Ýusuby Müsüre getirip, faraonyň janpenalarynyň baştutany Potypara satdylar. 2 Reb Ýusup bilen biledi. Ýusubyň işleri oňuna boldy; ol müsürli jenabynyň öýünde ýaşaýardy. 3 Müsürli jenap Ýusubyň ähli işlerine Rebbiň kömek edýändigine we Onuň Ýusuba ähli işinde üstünlik berýändigine göz ýetirdi. 4 Şeýdip, Ýusup jenabynyň göwnüni tapyp, oňa hyzmat etdi. Ol Ýusuby bütin hojalygynyň üstünden baştutan edip belläp, öz eýeçiligindäki ähli zatlary onuň ygtyýaryna berdi. 5 Şondan soň Reb Ýusubyň hatyrasy üçin bu müsürliniň bütin hojalygyna we onuň öýündäki hem meýdandaky ähli mal-mülküne bereket berdi. 6 Potypar ähli mal-mülküni Ýusubyň ygtyýarlygyna berdi. Ol indi öz damagyndan başga zada baş galdyrmaýardy.

### *Ýusup we Potyparyň aýaly*

Ýusup boý-syratly, juda görmegeý ýigitdi. 7 Aradan birnäçe wagt geçenden soň, oňa Potyparyň aýalynyň göwni gidip: «Meniň bilen ýat» diýdi. 8 Emma Ýusup mundan boýun gaçyryp, şeýle diýdi: «Jenabym öýüň hiç bir zady üçin baş galdyrmaýar. Ol öz eýeçiligindäki bar zatlary meniň baştutanlygyma berdi. 9 Şu hojalykda meniň ygtyýarym onuňkydan ýokarydyr. Ol hojalygyň senden başga ähli zadyny maňa ynandy, çünki sen onuň aýalysyň. Onsoň nädip men beýle gabahat iş edip, Hudaýyň öňünde günä gazanyp bilerin?!» 10 Potyparyň aýaly Ýusuby özi bilen ýatmaga her gün yrjak bolsa-da, ol oňa gulak asmady.

11 Bir gün Ýusup öz işi bilen öýe girdi. Öýde hyzmatkärleriň hiç biri ýokdy. 12 Potyparyň aýaly onuň eşiginden tutdy-da: «Meniň bilen ýat» diýdi. Emma Ýusup eşigini onuň elinde galdyryp, gaçyp daşary çykdy. 13-14 Ýusubyň eşigini elinde galdyryp gaçandygyny gören aýal hyzmatkärlerini çagyryp, olara: «Görseňizläň, meniň ärim bu ýewreýi bizi biabraý etmek üçin getiripdir. Ol meniň bilen ýatjak bolup, otagyma geldi, men sesimiň ýetdiginden gygyrdym. 15 Şonda ol eşigini ýanymda taşlap, daşary gaçyp gitdi» diýdi. 16 Soňra ol Ýusubyň jenaby gelýänçä, onuň eşigini öz ýanynda saklady. 17-18 Ol Ýusubyň jenabyna-da öz hyzmatkärlerine aýdan sözlerini gaýtalady: «Seniň getiren ýewreý guluň meni biabraý etmek üçin otagyma geldi. Gykylyk turzanymy görüp, ol eşigini ýanymda taşlap gaçyp gitdi».

19 Aýalynyň: «Guluň meni, ine, şeýtdi» diýen sözlerini eşidensoň, jenabyň gany depesine urdy. 20 Ol Ýusuby tutup, patyşanyň tussaglarynyň saklanýan zyndanyna saldy. Şeýdip, Ýusup zyndanda oturdy. 21 Ýöne Reb Ýusup bilen bolup, oňa merhemet etdi. Ýusup zyndanyň başlygynyň göwnünden turdy. 22 Zyndanyň başlygy ol ýerdäki tussaglaryň ählisini Ýusubyň eline berdi. Ýusup zyndanyň ähli işi üçin jogapkärçilik çekdi. 23 Zyndanyň başlygy Ýusubyň garamagyndaky zatlaryň hiç biri bilen gyzyklanmaýardy, çünki Reb Ýusup bilen bolup, her bir işinde oňa üstünlik berýärdi.

---

[a] **38:29** ***Peres*** – bu söz *zor bilen çykmak* diýmegi aňladýar.

## 40-njy bap

### *Ýusup tussaglaryň düýşüni ýorýar*

1 Birnäçe wagtdan soň, Müsür patyşa-
synyň baş sakysy bilen baş nan bişirijisi
patyşanyň göwnüne degdiler. 2 Bu iki-
sine faraonyň gahary geldi. 3 Ol bulary
janpenalaryň baştutanynyň öýündäki
zyndanda, Ýusubyň saklanýan zynda-
nyna saldy. 4 Janpenalaryň baştutany
Ýusuby olaryň baştutany edip goýdy;
Ýusup olara hyzmat etdi. Olar birnäçe
wagt zyndanda boldular.
5 Bir gije Müsür patyşasynyň tus-
saglykda saklanýan sakysy bilen nan
bişirijisi düýş gördüler. Düýşleriň hersi-
niň özüne mahsus ýorgudy bardy. 6 Daň
bilen Ýusup bu ikisiniň ýanyna geldi;
olar birhili ünjülidiler. 7 Ol bu tussag-
lardan: «Bu gün näme sebäpden ünjüli
görünýärsiňiz?» diýip sorady. 8 Olar Ýu-
suba: «Biz düýş gördük, ýöne ony ýorup
biljek adam ýok» diýip jogap berdiler.
Ýusup olara: «Ýorgut Hudaýdan dälmidir
näme?! Hany, düýşüňizi maňa gürrüň
beriň» diýdi. 9 Baş saky düýşüni Ýusuba
gürrüň berdi: «Düýşümde üzüm agajy-
ny gördüm. 10 Üzüm agajynyň üç şahasy
barmyş. Ol ösüp, gülleýärmişin-de, on-
da üzüm salkymlary peýda bolýarmyş.
11 Faraonyň käsesi hem meniň elimdemiş.
Men üzümi faraonyň käsesine sykyp,
käsäni oňa uzadýarmyşym». 12 Ýusup
oňa şeýle diýdi: «Düýşüň ýorgudy, ine,
şeýle: üç şaha üç gündür. 13 Üç günden
faraon seni zyndandan çykaryp, saňa
ýene öňki wezipäňi berer. Sen fara-
ona ýene-de edil öňki sakylyk eden
wagtyňdaky ýaly onuň käsesini eline
berersiň. 14 Ýöne günüň gowulaşanda,
meni hem ýatla; maňa ýagşylyk edäý.
Faraonyň meni-de zyndandan çykarary
ýaly, men hakda oňa gürrüň ber. 15 Çünki
men ýewreýleriň ýurdundan ogurlanyp
getirildim, hatda şu ýerde-de, Müsürde
zyndana taşlanar ýaly, men hiç hili gü-
nä etmedim».
16 Baş nan bişiriji Ýusubyň düýş ýor-
maga ökdedigini görüp: «Men hem düýş
gördüm. Depämde üç sebet çörek barmyş.
17 Sebetleriň iň üstküsinde faraon üçin
undan bişirilen dürli nygmatlar barmyş,
olary guşlar iýýärmiş» diýip, Ýusuba
düýşüni gürrüň berdi. 18 Ýusup oňa:
«Düýşüň ýorgudy, ine, şeýle: üç sebet
üç gündür. 19 Ýene üç günden faraon
seni zyndandan çykaryp, dardan asar;
guşlar seniň etiňi iýerler».
20 Üç günden soň faraon öz doglan
güni mynasybetli emeldarlary üçin meý-
lis gurady we baş saky bilen baş nan
bişirijini-de zyndandan çykardyp, öz
emeldarlarynyň öňünde duruzdy. 21 Edil
Ýusubyň ýorşy ýaly, faraon baş sakyny
ýene öňki wezipesine belledi; ol faraona
sakylyk etdi. 22 Baş nan bişirijini-de Ýusu-
byň aýdyşy ýaly, patyşa dardan asdyrdy.
23 Baş saky bolsa Ýusup hakda pikir hem
etmedi, ol ony ýadyndan çykardy.

## 41-nji bap

### *Ýusup faraonyň düýşüni ýorýar*

1 Iki ýyldan soň faraon bir düýş gördi.
Ol Nil derýasynyň kenarynda durmuşyn.
2 Birdenkä ýedi sany bakylan, semiz
sygyr derýadan çykyp, gamyşlygyň
içinde otlamaga başlaýarmyş. 3 Olardan
soň bolsa derýadan ýedi sany süňkleri
çykyşyp duran hor sygyr çykyp, ke-
narda öňküleriň ýanynda durýarmyş.
4 Süňkleri çykyşyp duran şol hor sygyrlar
beýleki ýedi semiz sygry iýýärmiş. Şol
wagt hem faraon ukudan oýandy. 5 Ol
ýene uka gitdi we bu gezek başga bir

düýş gördi. Bir baldakdan ýedi sany dok we oňat däne sümmüli ösüp çykýarmyş. 6 Olardan soň bolsa gündogar ýeline guran ýedi sany puç däne sümmüli ösüp çykýarmyş. 7 Soňra şol ýedi sany guran puç sümmül beýleki dok hem dykyz ýedi sümmüli iýýärmiş. Şol wagt hem faraon ýene-de ukudan oýandy we munuň düýşüdigine düşündi. 8 Ir bilen faraonyň ruhy ünjülidi. Ol Müsüriň ähli jadygöýleridir akyldarlaryny çagyryp, olara öz düýşüni gürrüň berdi, emma olaryň hijisi düýşleri ýorup bilmediler.

9 Baş saky faraona ýüzlenip, oňa şeýle diýdi: «Şu gün men hata iş edendigimi boýun alýaryn. 10 Bir gün faraonyň baş nan bişiriji bilen maňa gahary gelip, bizi janpenalaryň baştutanynyň öýündäki zyndana saldy. 11 Bir gije biziň ikimiz-de düýş gördük. Düýşleriň hersiniň özüne laýyk ýorgudy bolmalydy. 12 Biziň ýanymyzda janpenalaryň baştutanynyň hyzmatkäri bolan bir ýewreý ýigit hem bardy. Biz öz düýşümizi şoňa gürrüň berdik we ol biziň gören düýşlerimizi olaryň mazmunyna görä ýorup berdi. 13 Ýusubyň ýorgudy dogry bolup çykdy. Men öňki wezipäme dolanyp geldim, baş nan bişiriji bolsa dardan asyldy». 14 Faraon Ýusuby çagyrtdy. Ony dessine zyndandan çykardylar. Ýusup özüne serenjam berdi, geýimlerini çalşyrdy we faraonyň huzuryna geldi. 15 Faraon Ýusuba: «Men bir düýş gördüm, ýöne ony ýorup bilýän ýok. Men sen düýş ýorup bilýärmişiň diýip eşitdim» diýdi. 16 Ýusup faraona: «Ony ýorýan men däldirin; diňe Hudaý faraona bähbitli düşündiriş berer» diýdi. 17 Faraon Ýusuba düýşüni gürrüň berdi: «Men düýşümde Nil derýasynyň kenarynda durmuşym. 18 Birdenkä derýadan ýedi sany bakylan, semiz sygyr çykyp, gamyşlygyň içinde otlap başlaýarmyş. 19 Olaryň yzyndan bolsa derýadan ýene-de ýedi sany süňkleri çykyşyp duran hor sygyr çykýarmyş. Men şeýle hor sygyrlary bütin Müsürde hiç haçan görmändim. 20 Soňra şol hor süňkleri çykyşyp duran sygyrlar öňki ýedi semiz sygry iýýärmişler. 21 Emma olaryň semiz sygyrlary iýendigini hiç kim bilip biljek däldi, çünki olaryň entegem öňküleri ýaly süňkleri çykyşyp durmuşyn. Şol wagt hem men oýandym. 22 Soňra ýene başga bir düýş gördüm. Bir baldakda ýedi sany dok we dykyz sümmül gögerýärmiş. 23 Olardan soň bolsa ýedi sany gündogar ýeline guran puç sümmül ösüp çykýarmyş. 24 Şol puç sümmüller hem öňki ýedi dok sümmüli iýýärmişler. Men muny jadygöýlere gürrüň berdim, emma muny maňa düşündirip bilen tapylmady».

25 Ýusup faraona şeýle diýdi: «Jenabyň iki düýşüniň hem manysy birdir. Hudaý faraona Öz etjek zadyny aýan edipdir. 26 Ýedi semiz sygyr bilen ýedi dok sümmül bu ýedi ýyldyr. Bu ikisi bir düýşdür. 27 Soňky çykan ýedi hor sygyr bilen gündogar ýeline guran ýedi puç sümmül, ýedi ýyllap dowam etjek açlygy aňladýar. 28 Meniň aýdyşym ýaly, Hudaý faraona Öz etjek zadyny görkezipdir. 29 Bütin Müsür topragynda ýedi ýyl bolelinlik bolar. 30 Soňra ýedi ýyl açlyk geler. Müsüriň öňki bolçulygy unudylar, çünki açlyk Müsüri ejizleder. 31 Soňky gelen açlyk bolçulygy unutdyrar, çünki ol juda agyr geler. 32 Faraonyň şol bir düýşi iki gezek görmegi işiň Hudaý tarapyndan kesgitlenendigini we Hudaýyň ony tizara amala aşyrjakdygyny aňladýar. 33 Şoňa görä-de, faraonyň düşbi, pähim-paýhasly adamy tapyp, ony Müsüre baştutan edip bellemegi zerurdyr. 34 Faraon bütin Müsürde häkimler bellemelidir we olar ýedi ýyllyk bolçulykda Müsür ýurdunyň

hasylynyň bäşden birini almalydyrlar.
35 Goý, olar öňlerindäki geljek bolçulyk
ýyllarynda galla toplap, ony galalarda
faraonyň ygtyýarlygynda saklasynlar.
36 Bu galla Müsür açlykdan heläk bolmaz
ýaly, oňa ýedi ýyl azyk bolar».

### *Ýusup Müsüre hökümdarlyga bellenýär*

37 Faraona we onuň ähli emeldarlaryna
bu teklip ýarady. 38 Faraon öz emeldar-
laryna: «Biz Ýusupdan başga Hudaýyň
Ruhy bolan adamy tapyp bilmeris» diýdi.
39 Soňra ol Ýusuba: «Hudaý şu zatlaryň
ählisini saňa aýan etdi, seniň ýaly düşbi,
pähim-paýhasly adam ýokdur. 40 Sen me-
niň ýurdumda hökümdarlyk edersiň; halk
saňa boýun eger. Men diňe şa tagtynda
senden beýik bolaryn». 41 Soňra fara-
on Ýusuba: «Ine, men seni tutuş Müsür
topragyna hökümdar edip belleýärin»
diýdi. 42 Faraon barmagyndaky patyşalyk
möhürini çykaryp, ony Ýusubyň barma-
gyna dakdy; oňa gymmatbaha lybaslar
geýdirdi we boýnuna altyn zynjyr dakdy.
43 Soňra faraon Ýusuby özüniň weziriniň
at arabasyna mündürtdi; Ýusubyň öňün-
den: «Tagzym ediň!» diýip jar çekdirdiler.
Şeýdip, patyşa Ýusuby tutuş Müsür ýur-
duna hökümdar edip belledi. 44 Faraon
Ýusuba: «Faraon men bolsam-da, Mü-
süriň hiç bir ýerinde senden rugsatsyz
çöp başy gymyldamaz» diýdi. 45 Faraon
Ýusuba Sopnat-Pagnyýa diýip, müsürçe
at dakdy; ony Heliýopolys galasynyň
ruhanysy Potyperiň gyzy Asenada öýer-
di. Şeýdip, Ýusup tutuş Müsür ýurduny
dolandyryp başlady. 46 (Müsür patyşasy
faraona hyzmat edip başlanda, Ýusup
otuz ýaşyndady.) Ýusup faraonyň ýanyn-
dan gaýdyp, bütin Müsüre aýlandy. 47 Ýedi
ýyllyk bolçulykda toprak bol galla berdi.
48 Ýusup Müsür topragyndan ýedi ýylyň
dowamynda önen ähli gallany ýygnap,
galalarda ýerleşdirdi. Ol her galanyň tö-
wereginden ýygnalan gallany şol galanyň
özünde saklady. 49 Şeýdip, Ýusup deňiz
çägeleri deý köp galla hasylyny toplady,
hatda ol soňabaka olary ölçemesini-de
goýdy. 50 Açlyk ýyllary başlamazyndan
öň, Heliýopolys galasynyň ruhanysy Po-
typeriň gyzy Asenada Ýusuba iki ogul
dogrup berdi. 51 Ýusup: «Hudaý maňa
ähli muşakgatlyklarymy hem-de ata-
myň öýüni unutmaga ýardam etdi» diýip,
nowbahar oglunyň adyna Manaşa [a] dak-
dy. 52 Ol ikinji ogly bolanda: «Jebir çeken
topragymda Hudaý meni örňetdi» diýip,
onuň adyna Efraýym [b] dakdy.
53 Müsüriň ýedi ýyllyk bolçulyk döwri
tamamlandy. 54 Ýusubyň aýdyşy ýaly, ýe-
di ýyllyk açlyk başlandy. Ähli ýurtlarda
açlyk boldy. Emma bütin Müsürde iýmit
bardy. 55 Ahyry açlyk Müsür topragyna
hem aralaşyp ugrady. Halk nalyş bilen
faraondan azyk sorap başlady. Faraon
ähli müsürlilere: «Ýusubyň ýanyna ba-
ryň-da, şonuň diýeni bilen boluň» diýdi.
56 Açlyk Müsüriň ähli ýerine ýaýrap, git-
digisaýy güýjeýärdi. Ýusup ammarlary
açyp, Müsür halkyna galla satyp başla-
dy. 57 Ýusupdan galla satyn almak üçin,
Müsüre dünýäniň ähli künjeklerinden
adamlar geldiler, çünki bütin dünýäde
açlyk barha güýjeýärdi.

## 42-nji bap

### *Ýusubyň doganlary Müsüre gelýärler*

1 Ýakup Müsürde galla bardygyny bi-
lip, öz ogullaryna: «Näme biri-biriňiziň

[a] **41:51** Ýewreýçe *Manaşa* we *unutmaga* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **41:52** Ýewreýçe *Efraýym* we *örňetdi* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

ýüzüňize seredip otyrsyňyz? 2 Men Mü-
sürde galla bar diýip eşitdim. Aç ölesiňiz
gelmeýän bolsa gidiň-de, galla satyn
alyp geliň» diýdi. 3 Şunlukda, Ýusubyň
doganlaryndan onusy Müsüre galla sa-
tyn almaga gitdi. 4 Ýusubyň süýtdeş inisi
Benýamini bolsa Ýakup «bir betbagtçy-
lyga uçraýmasyn» diýip, doganlary bilen
ibermedi. 5 Müsüre galla satyn almaga
gelenleriň arasynda Ysraýylyň ogullary-
da bardy, çünki Kenganda-da açlykdy.
6 Ýusup Müsürde häkim bolansoň, ol
bütin ýurduň halklaryna galla satýardy.
Ýusubyň doganlary gelip, oňa iki bükü-
lip tagzym etdiler. 7 Ýusup doganlaryny
görenden tanady, ýöne tanamadyksyran
boldy. Ol: «Nireden geldiňiz?» diýip,
olar bilen haýbatly gepleşdi. Olar: «Biz
Kengandan azyk satyn almaga geldik»
diýdiler. 8 Ýusup doganlaryny tanasa-da,
olar ony tanamadylar. 9 Ýusup olar bilen
baglanyşykly gören düýşlerini ýatlady
we olara: «Siz ýurduň goragsyz ýerini
aňtamaga gelen içalylarsyňyz» diýdi.
10 Olar Ýusuba: «Ýok, jenabym, biz gulla-
ryňyz azyk satyn almaga geldik. 11 Biziň
ählimiz bir adamyň çagalarydyrys. Biz
gullaryňyz ak ýürekli adamlardyrys,
içaly däldiris» diýdiler. 12 Ýusup olara
ýene: «Ýok, siz ýurduň goragsyz ýeri-
ni aňtamaga gelipsiňiz» diýdi. 13 Olar
Ýusuba: «Biz gullaryňyz jemi on iki
dogandyrys we Kenganda ýaşaýan bir
adamyň ogullarydyrys. Körpämiz kaka-
myzyň ýanynda galdy, bir doganymyz
ýitdi» diýip jogap berdiler. 14 Ýusup olara
şeýle diýdi: «Ýok, aýdyşym ýaly, siz
içalysyňyz. 15 Siz, ine, şeýle synalarsy-
ňyz. Men faraonyň adyndan ant içýärin.
Siziň körpe iniňiz şu ýere gelmese, siz
bu ýerden gitmersiňiz. 16 Siziň biriňiz
gidiň-de, doganyňyzy getiriň, beýlekile-
riňiz bolsa zyndanda gözegçilik astynda
saklanarsyňyz. Şonda siziň dogry ýa-
da ýalan sözleýändigiňiz belli bolar.
Eger ýalan sözleýän bolsaňyz, faraonyň
adyndan ant içýärin, onda siziň içaly
boldugyňyzdyr». 17 Şeýdip, Ýusup olary
üç günläp zyndanda tussaglykda saklady.
18 Üçülenji gün Ýusup olara şeýle diý-
di: «Eger meniň diýenimi etseňiz, onda
diri galarsyňyz, çünki men Hudaýdan
gorkýaryn. 19 Eger siz, hakykatdan-da,
ak ýürekli adamlar bolsaňyz, onda siziň
biriňiz şu ýerde, zyndanda galyň, beýle-
kileriňiz bolsa aç oturan hojalyklaryňyza
galla äkidiň. 20 Onsoň körpe doganyňyzy
meniň ýanyma getiriň. Eger şeýle etse-
ňiz, bu siziň ýalan sözlemeýändigiňizi
subut eder we siz ölümden gutularsy-
ňyz». Doganlar onuň bilen razylaşdylar.
21 Olar biri-birilerine şeýle diýişdiler:
«Biz öz doganymyzyň garşysyna eden
günämiz üçin jeza çekýäris. Ol bize
nähililer ýalbarypdy, emma biz onuň
çekýän hasratyna pisint etmändik. Şol
sebäpli-de indi biz hasrat çekýäris».
22 Ruben olara şeýle diýdi: «Men size
„oglana sütem etmäň“ diýdim, emma siz
maňa gulak asmadyňyz. Ine, indi biz-
den onuň ölümi üçin ar alynýar». 23 Olar
aýdylýan zatlara Ýusubyň düşünýändi-
gini bilmeýärdiler, çünki ol olar bilen
dilmajyň üsti bilen gepleşýärdi. 24 Ýusup
doganlarynyň ýanyndan aýrylyp aglady.
Ol soň dolanyp gelip, olar bilen gepleşdi.
Ol soňra Şimgony tutdurdy we Şimgon
doganlarynyň gözüniň alnynda daňyldy.

### *Ýusubyň doganlary Kengana dolanýarlar*

25 Ýusup olaryň horjunlarynyň gal-
ladan doldurylmagyny, olaryň getiren
kümüş pullarynyň ýene-de yzyna, ola-
ryň çuwallaryna salynmagyny we olara
ýol üçin azyk berilmegini buýurdy. Bu

şeýle hem edildi. 26Doganlar gallany
eşeklerine ýükläp, ýola rowana boldular.
27Gijäni geçirmek üçin düşlän ýerlerin-
de olaryň biri eşegine iým bermek üçin
çuwalyň agzyny açanda, onuň agzynda
öz kümüş pulunyň ýatandygyny gördi.
28Ol doganlaryna: «Pulum yzyna gaýta-
rylypdyr, ol, ine, çuwalyň içinde ýatyr»
diýip seslendi. Olaryň muňa ýürekleri
ýaryldy. Olar gorkudan ýaňa titreşip,
biri-birlerine: «Hudaýyň bize bu näme
etdigi-kä?!» diýişdiler.

29Olar Kengana, öz kakalary Ýakubyň
ýanyna gelip, bolan işleriň ählisini oňa
gürrüň berdiler. 30«Ol ýeriniň häkimi biz
bilen hyrsyz gepleşdi, ol bizi içaly hasap
etdi. 31Biz oňa: „Biz ak ýürekli adam-
lardyrys, içaly däldiris. 32Biz bir atadan
bolan on iki dogandyrys; bir doganymyz
ýitdi, körpämiz bolsa Kenganda kaka-
myzyň ýanynda galdy“ diýdik. 33Şonda
ol bize şeýle diýdi: „Siziň ak ýürekli
adamlardygyňyza göz ýetirmek üçin
men, ine, şeýle etjek. Siziň biriňiz me-
niň ýanymda galarsyňyz, beýlekileriňiz
bolsa aç oturan hojalyklaryňyza galla
alyp gidersiňiz. 34Körpe iniňizi meniň
ýanyma getiriň. Şonda men siziň içaly
däl-de, ak ýürekli adamlardygyňyza
ynanaryn. Şondan soň siziň doganyňyzy
yzyna bererin we siz bu ýurtda söwda-sa-
tyk edip bilersiňiz“» diýip, kakalaryna
hemmesini bolşy ýaly gürrüň berdiler.

35Çuwallaryny boşadanlarynda, olar
we olaryň kakasy Ýakup pully düwün-
çekleriniň çuwallardadygyny görüp
gorkdular. 36Ýakup olara şeýle diýdi:
«Bu zatlar meniň başyma geldi: siz
meni çagalarymdan mahrum etdiňiz.
Ýusuby-da, Şimgony-da ýokladyňyz,
indem Benýamini äkitjek bolýarsyňyz».
37Ruben kakasyna: «Eger ony gaýtaryp
getirmesem, onda meniň iki oglumy-da
öldüräý. Benýamini meniň ygtyýaryma
ber, men ony seniň ýanyňa gaýtaryp ge-
tirerin» diýdi. 38Ýakup: «Oglumy siziň
bilen iberjek däl, çünki onuň agasy ölüp,
ýeke özi galdy. Eger ýolda Benýamin bir
betbagtçylyga uçraýsa, siz meni garrylyk
çagymda ölüler dünýäsine hasrat bilen
ibererersiňiz» diýdi.

## 43-nji bap

### *Ýusubyň doganlary Müsüre ikinji gezek gelýärler*

1Kenganda açlyk erbetdi. 2Müsürden
getirilen galla gutaranda, Ýakup ogulla-
ryna: «Ýene gidiň-de, biraz azyk satyn
alyp geliň» diýdi. 3Ýahuda oňa şeýle
diýdi: «Ol adam bize berk duýduryş
berip: „Doganyňyz bilen gelmeseňiz,
siz meni görmersiňiz“ diýdi. 4-5Ben-
ýamini biziň bilen iberseň, biz gideris
hem saňa azyk satyn alyp geleris, ony
ibermeseň, gitmeris. Çünki ol adam:
„Doganyňyz bilen gelmeseňiz, siz meni
görmersiňiz“ diýdi». 6Ysraýyl: «Oňa
ýene bir doganyňyzyň bardygyny aý-
dyp, maňa beýle ýamanlyk etmeli däl
ekeniňiz-dä!» diýdi. 7Olar: «Ol bizden
„Kakaňyz dirimi? Başga-da doganyňyz
barmy?“ diýip, biz we biziň maşgalamyz
hakynda sorag baryny ýagdyrdy. Biz
hem onuň soraglaryna jogap bermeli
bolduk. Onuň: „Doganyňyzy getiriň“
diýjegini biz nireden bileli ahyryn?»
diýdiler. 8Ýahuda kakasy Ysraýyla şeýle
diýdi: «Sen-de, biz-de, çagalarymyz-da
açlykdan ölmän ýaşarymyz ýaly, ogla-
ny meniň bilen iber, biz gideli. 9Men
Benýamine öz janym bilen jogap ber-
jekdigime kepil geçýärin. Ony menden
talap et. Eger men oglany saňa yzyna
getirip, öňüňde goýmasam, onda, goý,
men ömürbaky seniň öňüňde günäkär

bolaýyn. 10 Eger biz haýal-ýagallyga
salmadyk bolsak, biz ol ýere eýýäm iki
gezek gidip-gelerdik».
11 Kakalary Ysraýyl olara şeýle diýdi:
«Bolýar, gidiň, ýöne ýanyňyz bilen hä-
kim üçin sowgat hökmünde, şu ýurduň iň
oňat näz-nygmatlaryndan: biraz melhem,
biraz bal, ladan, atyr, pisse hem badam
äkidiň. 12 Iki esse köp pul alyň, çuwaly-
ňyzyň agzynda yzyna gaýtarylan öňki
pullaryňyzy bolsa yzyna äkidiň. Belki,
bir ýalňyşlyk bolandyr. 13 Doganyňyzy
hem alyň-da, ýene ol adamyň ýanyna
dolanyň. 14 Gudratygüýçli Hudaýyň Özi
size ol adamyň öňünde rehim etsin; belki,
ol beýleki doganyňyzy-da, Benýamini-
de goýberäýedi-dä. Çagasyz galmaly
bolsam, goý, galaýyn».
15 Şeýdip, olar sowgatlary, iki esse
pul hem Benýamini alyp, Müsüre gi-
dip, ýene Ýusubyň huzuryna bardylar.
16 Ýusup olaryň arasynda Benýamini
görüp, hojalygynyň baş hyzmatkärine:
«Bu adamlary öýe äkit; bir mal soý-da,
nahar taýýarla. Olar meniň bilen bi-
le günortanlyk edinerler» diýdi. 17 Ol
hyzmatkär tabşyrylyşy ýaly, doganlary
Ýusubyň öýüne alyp bardy. 18 Doganlar
gorkdular, çünki olar Ýusubyň öýüne
getirildiler. Olar: «Muny geçen gezek-
ki çuwallarymyzda yzyna gaýtarylan
pul sebäpli, darap, bizi tutup gul edip,
elimizden eşeklerimizi almak üçin ed-
ýändir» diýdiler.
19 Şeýdip, olar Ýusubyň hyzmatkäriniň
ýanyna baryp, öýüň işiginde duran ýer-
lerinden onuň bilen gepleşdiler. 20 Olar
şeýle diýdiler: «Jenabym, bize gulak as.
Biz bu ýere azyk satyn almak üçin öň
hem gelipdik. 21 Emma şeýle bir ýag-
daý boldy. Gidişin, düşlän ýerimizde
çuwallarymyzyň agzyny açdyk, gör-
sek, getiren pullarymyz şol durşuna
çuwallaryň agzynda goýlupdyr. Olary
biz ýene-de gaýtaryp getirdik. 22 Bu
gezekki satyn aljak azygymyz üçin
bolsa biz goşmaça pul getirdik. Pulla-
ry çuwalymyza kimiň salandygyndan
biziň habarymyz ýok». 23 Hyzmatkär
olara: «Arkaýyn boluň, gorkmaň. Pul-
lary çuwallaryňyza siziň we ataňyzyň
Hudaýy siziň üçin salandyr. Pullaryňyzy
men aldym» diýdi. Soňra hyzmatkär
Şimgony olaryň ýanyna getirdi. 24 Hyz-
matkär olary Ýusubyň öýüne salyp, olara
aýaklaryny ýuwar ýaly suw getirdi we
olaryň eşeklerine iým berişdirdi. 25 Do-
ganlar bolsa günortana, Ýusubyň geler
wagtyna çenli öz getiren sowgatlaryny
taýýarladylar, çünki olara Ýusup bilen
bile naharlanmalydyklary aýdylypdy.
26 Ýusup öýe gelende, doganlary Ýu-
suba öz sowgatlaryny berip, oňa tagzym
etdiler. 27 Ýusup olaryň hal-ahwallaryny
soraşdyrdy. Soňra ol: «Garry ataňyz
sag-gurgunmy? Ol aýatda dirimi?» diýdi.
28 Olar: «Guluň kakamyz sag-gurgun ge-
zip ýör» diýip, oňa dyza çöküp tagzym
etdiler. 29 Soňra Ýusup olara göz aýlady
we öz süýtdeş dogany Benýamini görüp:
«Körpämiz diýeniňiz şumy? Hudaý saňa
merhemet etsin, oglum!» diýdi. 30 Soňra
Ýusup howlukmaçlyk bilen ol ýerden
çykdy, çünki doganynyň didaryny görüp,
onuň damagy doldy. Ol öz içki otagyna
geçip aglady. 31 Ýüz-gözüni ýuwup, özü-
ni dürsänden soň bolsa: «Nahar getiriň»
diýip buýurdy.
32 Nahary Ýusuba özbaşyna, doganlara
özbaşyna we onuň bilen naharlanýan
müsürlilere özbaşyna berdiler, çünki
müsürliler ýewreýler bilen bile nahar-
lanmaklygy ýigrenç hasaplaýardylar.
33 Doganlar ýaş tertibi boýunça uludan-
kiçä, Ýusubyň garşysynda oturdyldy.
Olar muňa geň galyp, biri-birlerine

seredişdiler. 34 Olara nahar Ýusubyň
saçagyndan berildi. Benýaminiň pa-
ýy beýlekileriňkiden bäş esse artykdy.
Şeýdip, olar Ýusup bilen bile iýip-içip
keýp çekdiler.

## 44-nji bap

### *Ýusubyň käsesi*

1 Ýusup baş hyzmatkärine şeýle buý-
ruk berdi: «Bu doganlaryň çuwallaryny
olaryň göterip biljek azyklaryndan dol-
durarsyň; getiren pullaryny-da olaryň
çuwallarynyň agzynda goýarsyň. 2 Kör-
peleriniň çuwalyna bolsa onuň galla
tölemek üçin getiren puly bilen meniň
kümüş käsämi salarsyň». Baş hyzmat-
kär Ýusubyň buýrugyny ýerine ýetirdi.
3 Bular daňdan eşekleri bilen ol ýerden
ugradyldy. 4 Olar heniz galadan uzak-
laşmankalar, Ýusup baş hyzmatkärine:
«Bar, yzlaryndan ýet-de, olara: „Ýag-
şylyga ýamanlyk bilen jogap bermäňiz
näme? 5 Bu meniň jenabymyň içýän,
seredip, geljegi bilýän käsesi ahyryn.
Siz pis iş etdiňiz“ diý» diýip buýurdy.
6 Baş hyzmatkär doganlaryň yzyndan
ýetip, olara Ýusubyň sözlerini gaýtalady.
7 Olar şeýle diýdiler: «Näme sebäpden
biziň jenabymyz beýle diýýärkä? Beýle
iş etmändigimize biz ant içýäris. 8 Biz
öz çuwallarymyzdan çykan pullary-da
Kengandan yzyna getirdik. Onsoň biz
seniň jenabyňyň öýünden altyn-kümşi
näme üçin ogurlaly?! 9 Eger käse gulla-
ryňyň birinden çykaýsa, goý, şol adam
öldürilsin. Galanlarymyz bolsa jenaba
gul bolarys». 10 Baş hyzmatkär: «Goý,
siziň diýşiňiz ýaly bolsun, ýöne käse
kimden çyksa, diňe şol maňa gul bolar,
beýlekileriňiz bolsa boşadylarsyňyz»
diýdi. 11 Olar dessine çuwallaryny ýere
düşürip, olaryň agzyny açdylar. 12 Baş
hyzmatkär ýaş tertibi boýunça uludan-
kiçä hemmesiniň çuwalyny barlady.
Käse Benýaminiň çuwalyndan çykdy.
13 Muňa olar dady-perýat etdiler. Soňra
olaryň hersi goşlaryny eşeklerine ýükläp,
yzlaryna gala dolandylar.

14 Ýusup heniz öýdedi. Ýahuda hem
onuň doganlary Ýusubyň ýanyna gelip,
onuň öňünde ýere ýüzin düşüp tagzym
etdiler. 15 Ýusup olara: «Bu näme etdigi-
ňiz boldy?! Meniň ýaly adamyň geljegi
bilip, kimiň günäkärdigini biljekdigi
hakynda pikir etmediňizmi?» diýdi.
16 Ýahuda oňa şeýle jogap berdi: «Näme
diýip, näme aýtjagymyzy, özümizi nädip
aklajagymyzy bilýän däldiris, jenabym!
Gullaryňyň günäkärdigini Hudaý aýan
etdi. Indi biziň barymyz özünden käse
çykan-da, beýlekilerimiz-de siziň gulu-
ňyzdyrys». 17 Emma Ýusup olara şeýle
diýdi: «Ýok, beýle iş etmekden Hudaýyň
Özi saklasyn. Käse kimden çykan bolsa
diňe şol maňa gul bolar, galanlaryňyz
bolsa sag-salamat kakaňyzyň ýanyna
dolanarsyňyz».

### *Ýahuda Benýamin üçin ýalbarýar*

18 Şu sözlerden soň Ýahuda Ýusubyň
golaýyna baryp: «Jenabym, öz guluňa
iki agyz söz aýtmaga rugsat et. Maňa
gaharlanmaň; siz faraon kiminsiňiz.
19 Jenabym gullaryňyzdan: „Kakaňyz
ýa-da doganyňyz barmy?“ diýip so-
radyňyz. 20 Biz saňa garry kakamyzyň
bardygyny, onuň garrandan soň bolan
bir körpe oglunyň bardygyny, ol oglanyň
bolsa süýtdeş doganynyň ölüp, enesiniň
çagalaryndan diňe ýeke özüniň galandy-
gyny, ony kakasynyň juda söýýändigini
aýdypdyk. 21 Siz bolsa öz gullaryňyza:
„Ony getiriň, men bir göreýin“ diýdi-
ňiz. 22 Biz: „Oglan kakasyndan aýrylyp
bilmez, eger ol aýrylaýsa, onuň kakasy

jan berer“ diýdik. 23Ýöne siz: „Körpe
doganyňyz bilen gelmeseňiz, siz meni
asla görmersiňiz“ diýdiňiz. 24Guluň ka-
kamyza seniň diýenleriňi gürrüň berdik.
25Onsoň kakam bize: „Ýene-de gidiň-de,
biraz azyk satyn alyp geliň“ diýdi. 26Biz
oňa: „Körpämizi biziň bilen iberseň,
biz gideris, ýogsa gitmeris, çünki biz
körpämiz bilen bile barmasak, häkimi
görüp bilmeris“ diýdik. 27Şonda guluň
kakamyz bize: „Aýalymyň maňa iki ogul
dogrup berendiginden siziň habaryňyz
bardyr. 28Birinden aýra düşdüm. ‘Ol
parçalanypdyr’ diýdim. Şondan soň men
ony asla görmedim. 29Indi muny-da alyp
gitseňiz, olam ýolda bir betbagtçylyga
uçraýsa, siz meni garrylyk çagymda
ölüler dünýäsine hasrat bilen iberersiňiz“
diýdi. 30Şu sözlerden soň oglany goýup,
guluň kakamyzyň ýanyna biz nädip
baraly?! Onuň jany oglunda ahyryn.
31Oglunyň ýanymyzda ýokdugyny görse,
ol jan berer. Şeýdip, biz garry atamyzy
ölüler dünýäsine hasrat bilen ibereris.
32Üstesine-de, men guluň: „Eger men
oglany saňa gaýtaryp getirmesem, onda,
goý, men ömürbaky seniň öňüňde gü-
näkär bolaýyn“ diýip, oglana öz janym
bilen jogap berjekdigime kepil geçdim.
33Şoňa görä, oglana derek jenaba men
gul bolaýyn, ol bolsa, goý, doganlary
bilen bile yzyna dolansyn. 34Çünki men
oglany bu ýerde taşlap baryp, kakamyň
ýüzüne nähili seredeýin. Men kakamyň
çekjek hasratyny görmekden gorkýaryn».

## 45-nji bap

### *Ýusup öz doganlaryna syryny açýar*

1Ýusup hyzmatkärleriniň öňünde mun-
dan artyk saklanyp bilmän: «Hemmeleri
şu ýerden çykar» diýip gygyrdy. Ýusup
öz doganlaryna syryny açanda, onuň
ýanynda doganlaryndan başga adam
ýokdy. 2Ýusup ses edip aglady. Onuň
sesi müsürlilere we faraonyň köşgün-
däkilere eşidildi. 3Ýusup doganlaryna:
«Men Ýusup, kakam dirimi?» diýdi.
Emma onuň doganlary muny eşidende,
olaryň Ýusupdan gorkularyndan ýaňa
dilleri tutuldy. 4Ýusup olara: «Golaýra-
gyma gelseňizläň» diýdi. Olar Ýusubyň
golaýyna geldiler. Ol sözüni dowam
edip, şeýle diýdi: «Men siziň Müsüre
satan doganyňyz Ýusupdyryn. 5Siz meni
bu ýere satandygyňyz üçin gam çekip,
puşman etmäň, çünki Hudaý adamlaryň
janyny gorap saklamak üçin meni siziň
öňüňizden Müsüre iberdi. 6Çünki ýer
ýüzünde iki ýyldan bäri açlyk dowam
edýär. Ýene-de bäş ýyllap ekin-tikin-de,
hasyl-da bolmaz. 7Ýer ýüzünde siziň
nesilleriňizi aman galdyrmak we sizi
beýik gutulyş bilen halas etmek üçin Hu-
daý meni siziň öňüňizden iberdi. 8Şoňa
görä-de, meni bu ýere siz däl-de, Hudaý
iberdi. Hudaý meni faraona ata hökmün-
de goýup, onuň bütin köşgüniň eýesi
etdi. Men tutuş Müsüriň hökümdarydy-
ryn. 9Haýal etmän gidiň-de, kakamyň
ýanyna baryp, oňa şeýle diýiň: „Ogluň
Ýusup şeýle diýýär: ‘Hudaý meni tutuş
Müsüriň hökümdary etdi, sen eglenmän
meniň ýanyma gel. 10Sen Goşen wela-
ýatynda mesgen tutarsyň; sen we seniň
çagalaryňdyr agtyklaryň, ownukly-irili
mallaryň, mahlasy, özüňde bar bolan
ähli zatlaryň bilen meniň golaýymda bo-
larsyň. 11Bu açlyk ýene bäş ýyla çekjek.
Siziň hiç biriňiz mätäçlik çekmez ýaly,
men ol ýerde seni we seniň hojalygyňy
hem ähli mallaryňy zerur zatlar bilen
üpjün ederin’“. 12Meniň hakykatdan-
da Ýusupdygymy siziň hemmäňiz we
inim Benýamin-de öz gözüňiz bilen
görüp dursuňyz. 13Siz kakama meniň

Müsürdäki şan-şöhratym, bu ýerde gö-
ren zatlaryňyzyň ähli̇si hakynda gürrüň
beriň we ony tizräk şu ýere alyp geliň».
14 Soňra ol öz inisi Benýamini gujaklap
aglady. Benýamin hem ony gujaklap
aglady. 15 Ýusup aglap, ähli doganlaryny
gujaklap ogşady. Diňe şondan soň dogan-
lary onuň bilen gepleşmäge başladylar.

16 Ýusubyň doganlarynyň gelendigi
hakyndaky habar faraonyň köşgüne
baryp ýetdi. Muňa patyşa-da, onuň emel-
darlary-da begendiler. 17 Faraon Ýusuba
şeýle diýdi: «Doganlaryňa şeýle diý:
„Eşekleriňizi ýükläň-de, Kengana dola-
nyň. 18 Kakaňyzy hem, maşgalalaryňyzy
hem alyp, meniň ýanyma geliň. Men
Müsüriň iň saýlantgy ýerini size bererin.
Siz mes toprakly ýurduň hasylyndan
iýip doýarsyňyz“. 19 Olara ýene-de şeýle
diý: „Çagalaryňyz hem aýallaryňyz üçin
Müsürden arabalar alyp, olary kakaňyz
bilen bile şu ýere getiriň. 20 Yzyňyzda
galjak goş-golamlaryňyzyň aladasyny
etmäň, çünki bütin Müsüriň saýlantgy
näz-nygmatlary siziňki bolar“».

21 Ysraýylyň ogullary aýdylyşy ýaly-da
etdiler. Faraonyň tabşyrygy boýunça
Ýusup olara arabalar hem ýol azygyny
berdi. 22 Ýusup bularyň Benýaminden
başgasynyň hersine bir laý, Benýamine
bolsa üç ýüz kümüş teňňe bilen bäş laý
geýim-gejim berdi. 23 Kakasyna on erkek
eşegi Müsüriň iň saýlama näz-nygmatla-
ryndan, on urkaçy eşegi bolsa kakasyna
Müsüre gaýdyşyn ýol azygy bolar ýaly
galladan, çörekden we azykdan ýük-
läp iberdi. 24 Onsoň Ýusup doganlaryny
ugradyp, olara: «Ýolda dawalaşaýmaň»
diýdi.

25 Şeýdip, olar Müsürden gaýdyp, Ken-
gana kakalary Ýakubyň ýanyna dolanyp
geldiler. 26 Olar kakalaryna: «Ýusup diri,
ol tutuş Müsüriň hökümdary» diýip
habar berdiler. Ýakup doňup galdy, çün-
ki ol eşidýän zatlaryna ynanyp bilmedi.
27 Emma olar Ýusubyň aýdanlarynyň
ählisini Ýakuba gürrüň berenlerinden
soň we özüni äkitmek üçin Ýusubyň
iberen arabalaryny görenden soň, Ýa-
kubyň ýüregi ýerine geldi. 28 Ysraýyl:
«Ýusubym diri, bes! Ölmänkäm gidip,
onuň didaryny bir göreýin!» diýdi.

## 46-njy bap

### *Ýakup we onuň maşgalasy Müsüre göçýär*

1 Ysraýyl ähli zatlaryny alyp, ýola ro-
wana boldy. Ol Beýerşeba gelip, kakasy
Yshagyň Hudaýyna gurbanlyklar berdi.
2 Şol gije Hudaý Ysraýyla görnüp, oňa:
«Ýakup! Ýakup!» diýdi. Ysraýyl Oňa:
«Lepbeý!» diýip jogap berdi. 3 Hudaý oňa
şeýle diýdi: «Men Hudaýdyryn, seniň
ataňyň Hudaýydyryn. Sen Müsüre git-
mekden gorkma. Men ol ýerde senden bir
beýik millet ýaradaryn. 4 Men seniň bilen
bile Müsüre giderin we seni soň ýene-de
öz topragyňa getirerin. Sen dünýäden
öteniňde, Ýusup seniň ýanyňda bolar».
5 Onsoň Ýakup Beýerşebadan gaýtdy.
Ysraýylyň ogullary kakalary Ýakuby, öz
çagalarydyr aýallaryny, faraonyň iberen
arabalaryna mündürdiler. 6-7 Ýakup ähli
nesillerini: ogul-gyzlaryny, agtyklary-
dyr mallaryny we Kenganda toplan ähli
mal-mülklerini alyp, Müsüre geldi. 8 Ys-
raýyllaryň Ýakup we onuň bilen Müsüre
gelen nesilleri şulardyr. Ýakubyň now-
bahar ogly Ruben. 9 Rubeniň ogullary:
Hanok, Pallu, Hesron, Karmy. 10 Şimgo-
nyň ogullary: Ýemuwel, Ýamyn, Ohat,
Ýakin, Sohar hem-de kengan aýalyndan
bolan ogly Şawul. 11 Lewiniň ogullary:
Gerşon, Kohat, Merary. 12 Ýahudanyň
ogullary: Er, Onan, Şela, Peres, Zera.

Bulardan Er bilen Onan Kenganda ölüp-
diler. Peresiň ogullary: Hesron, Hamul.
13 Ysakaryň ogullary: Tola, Puwa, Ýop,
Şimron. 14 Zebulunyň ogullary: Sarat,
Eýlon, Ýahleýel. 15 Bu ogullary hem-de
gyzy Dinany Leýa Ýakuba Padanaramda
dogrup beripdi. Ýakubyň ähli ogul-gyz-
larynyň jemi otuz üç sanydy. 16 Gatyň
ogullary: Sipýon, Hagy, Şuny, Esbon, Eri,
Arody, Areli. 17 Aşeriň ogullary: Ýimna,
Ýişwa, Ýişwi, Beriga hem-de gyzy Se-
ra. Beragyň ogullary: Heber, Malkyýel.
18 (Bular Zilpanyň ogullarydyr. Laban
Zilpany öz gyzy Leýa gyrnak edip be-
ripdi. Ýakubyň Zilpa gyrnagyndan bolan
nesliniň sany jemi on altydyr.) 19 Ýakubyň
Rahelden bolan ogullary: Ýusup, Benýa-
min. 20 Müsürde Heliýopolys galasynyň
ruhanysy Potyperiň gyzy Asenat Ýusuba
Manaşany we Efraýymy dogrup berdi.
21 Benýaminiň ogullary: Bala, Beker,
Aşbel, Gera, Nagaman, Ehi, Roş, Mu-
pym, Hupym we Art. 22 (Bular Ýakubyň
Rahelden bolan neslidir. Olar jemi on
dörtdür.) 23 Danyň ogly: Huşym. 24 Naf-
talynyň ogullary: Ýahseýel, Guny, Ýezer,
Şillem. 25 (Bular Bilhanyň ogullarydyr.
Laban Bilhany öz gyzy Rahele gyrnak
edip beripdi. Bilha Ýakuba jemi ýedi ogul
dogrup berdi.) 26 Gelinlerinden daşary
Ýakuba degişli bolan we onuň bilen bile
Müsüre gelen nesilleri jemi altmyş alty
başdy. 27 Ýusubyň Müsürde doglan iki
ogly bilen birlikde Ýakubyň Müsürdäki
tutuş hojalygy ýetmiş adamdan ybaratdy.

### *Ýakup maşgalasy bilen Müsürde mesgen tutýar*

28 Ýakup Goşene barýan ýoly Ýusuba
görkezer ýaly, ol Ýahudany öňden Ýu-
subyň ýanyna iberdi.
Ysraýylyň maşgalasy Goşen welaýaty-
na gelende, 29 Ýusup arabasyna münüp,
kakasy Ysraýyly garşylamak üçin Go-
şene gitdi; Ýusup kakasyny görüp, ony
gujaklap, onuň gujagynda uzak wagtlap
aglady. 30 Ysraýyl Ýusuba: «Didaryňy
gördüm, indi ölsem-de armanym ýok.
Sen diri ekeniň» diýdi. 31 Ýusup dogan-
laryna hem kakasynyň tutuş hojalygyna
ýüzlenip, şeýle diýdi: «Men gidip, fara-
ona habar bereýin. Oňa: „Kengandaky
doganlarym hem-de kakam tutuş hojaly-
gy bilen meniň ýanyma geldiler. 32 Olar
çopandyrlar, çünki olar maldarçylyk
bilen meşgullanýarlar. Olar özleri bilen
ownukly-irili mallaryny we ähli goş-
golamlaryny-da getiripdirler“ diýeýin.
33 Faraon sizi çagyryp, sizden: „Siziň
käriňiz näme?“ diýip sorar. 34 Şonda siz
oňa: „Biz gullaryň ata-babalarymyz ýaly
ýaşlygymyzdan bäri maldarçylyk bilen
meşgullanyp gelýändiris“ diýip jogap
berersiňiz. Şeýle diýseňiz, ol size Go-
şen welaýatynda mesgen tutmaga rugsat
berer, çünki müsürliler çopanlary juda
ýigrenýändirler».

## 47-nji bap

1-2 Şeýdip, Ýusup doganlaryndan bä-
şisini alyp, Goşen welaýatyndan gaýtdy
we faraonyň ýanyna gelip, oňa: «Kakam
hem doganlarym özleriniň maşgalasy,
ownukly-irili mallary we ähli goş-go-
lamlary bilen Kengandan geldiler. Olar
häzir Goşende» diýdi. Onsoň Ýusup
doganlaryny faraon bilen tanyş etdi.
3 Faraon olardan: «Käriňiz näme?» di-
ýip sorady. Olar faraona: «Biz gullaryň
ata-babalarymyz ýaly çopandyrys» diýip
jogap berdiler. 4 Olar faraona: «Ýowuz
açlyk zerarly Kenganda dowarlarymyz
üçin öri galmansoň, biz Müsürde gelmi-
şek bolup ýaşamaga geldik. Şoňa görä-de,
siz öz gullaryňyza Goşen welaýatynda
mesgen tutmaga ygtyýar ediň» diýdiler.

[5]Faraon Ýusuba şeýle diýdi: «Kakaň-
dyr doganlaryň seniň ýanyňa gelipdirler.
[6]Müsüriň çar tarapy seniň üçin açykdyr.
Olary ýurduň iň oňat ýerinde ýerleşdir.
Goý, olar Goşen welaýatynda mesgen
tutsunlar. Eger olaryň arasynda ukyp-
lylary bar bolsa, olara meniň mallaryma
seretdir». [7]Soňra Ýusup kakasyny fa-
raonyň huzuryna getirip, onuň bilen
tanyş etdi. Ýakup faraona pata berdi.
[8]Faraon Ýakupdan: «Näçe ýaşyňda?»
diýip sorady. [9]Ýakup: «Men göçüp-go-
nup ýüz otuz ýyl ýaşadym. Durmuşym
gysga hem agyr boldy. Meniň ömrüm
göçüp-gonup ýaşan ata-babalarymyňky
ýaly uzak bolmady» diýdi. [10]Ýakup fara-
ona ýene-de pata berip, onuň ýanyndan
gaýtdy. [11]Ýusup kakasydyr doganlaryny
Müsürde ýerleşdirdi. Ýusup faraonyň
özüne buýruşy ýaly edip, olara Müsüriň
iň gowy ýeri bolan Ragmeses etrabyndan
mülk berdi. [12]Ol kakasyny, doganlary-
ny we kakasynyň ähli hojalygyny – iň
körpesine çenli azyk bilen üpjün etdi.

### *Açlyk ýowuzlaşýar*

[13]Açlyk juda ýowuzlaşyp, hiç ýerde
iýmit ýokdy. Açlyk Müsürdir Kenga-
nyň halklaryny halys ysgyndan gaçyrdy.
[14]Ýusup galla satyp, Müsüriň hem Ken-
ganyň ähli pullaryny syryp-süpürip aldy.
Ol pullary faraonyň köşgüne getirdi.
[15]Şunlukda, Müsüriň-de, Kenganyň-da
pulunyň soňuna çykylansoň, ähli müsür-
liler Ýusubyň ýanyna gelip, oňa: «Bize
azyk ber. Indi biz gözüňiziň alnynda
öläýmeli bolarysmy?! Pulumyzdan galan
zat ýok» diýdiler. [16]Ýusup olara: «Eger
puluňyz bolmasa, onda azygy mala çalşa-
ýalyň» diýdi. [17]Şeýdip, olar öz mallaryny
Ýusuba getirip berdiler. Ýusup hem ola-
ryň atlaryny, ownukly-irili mallaryny we
eşeklerini azyga çalyşdy. Şol ýyl Ýusup
halkyň mallaryny alyp, olary azyk bilen
üpjün etdi. [18]Bir ýyl geçdi. Indiki ýyl mü-
sürliler ýene-de Ýusubyň ýanyna gelip,
oňa şeýle diýdiler: «Biz jenabymyzdan
hiç zady ýaşyrmarys; bar pullarymyzy
gutardyk, mallarymyzy bolsa biz size
berdik. Size berer ýaly tenimizden we
mülklerimizden başga galan zat ýokdur.
[19]Indi biz gözüňiziň alnynda öläýmelimi,
mülklerimiz çöle dönäýmelimi? Bizi
mülklerimiz bilen bile al-da, bize azyk
ber. Mülklerimiz bilen bile faraona gul
bolaly. Biziň ölmezimiz ýaly, mülkle-
rimiziň-de çöle dönmezi ýaly, siz bize
tohum beriň».

[20]Şeýdip, Ýusup Müsüriň ähli mülk-
lerini faraon üçin satyn aldy. Ähli
müsürliler ýowuz açlyga döz gelip bil-
män, öz mülklerini satdylar. Şeýlelikde,
tutuş Müsür topragy faraonyň eline
geçdi. [21]Ýusup Müsüriň tutuş halkyny
gula öwürdi [a]. [22]Ol diňe ruhanylaryň
mülk ýerine degmedi, çünki ruhanylara
faraon tarapyndan bellenen möçberde
hak tölenilýärdi we olar şol tölenen hak
bilen güzeran görýärdiler. Şol sebäpden
hem olar öz mülklerini satmadylar.

[23]Ýusup Müsür halkyna şeýle diýdi:
«Faraon üçin sizi ýerleriňiz bilen bile
satyn aldym. Ine, tohum, alyň-da, ekiň.
[24]Siz alan hasylyňyzyň bäşden bir bölegi-
ni faraona berersiňiz, dörtden bir bölegini
bolsa özüňize tohum üçin, hojalyklaryňy-
za we çagalaryňyza azyk üçin alarsyňyz».
[25]Olar: «Siz bizi halas etdiňiz; jenaby-
myz razy bolsa, biz faraona gul bolarys»
diýdiler. [26]Şeýdip, Ýusup ruhanylardan

[a] **47:21** ***Ýusup… gula öwürdi*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Ýusup halky gala göçürdi* diýip duş gelýär.

başga hemmeleriň hasylynyň bäşden bir
bölegininiň faraona berilmelidigi hakynda
hüküm çykardy. Bu hökümi şu günki gü-
ne çenli hem öz güýjündedir.

### *Ýakubyň iň soňky haýyşy*

27 Ysraýyllar Müsüriň Goşen wela-
ýatynda mesgen tutup, şol welaýatda
özlerine mülk edindiler. Olar örňäp,
juda köpeldiler.
28 Ýakup Müsürde on ýedi ýyl ýaşady.
Ol ýüz kyrk ýedi ýyl ýaşady. 29 Ölüm
pursady golaýlanda, Ysraýyl Ýusuby
ýanyna çagyryp, oňa şeýle diýdi: «Eger
meni söýýäniň çyn bolsa, onda eliňi uý-
lugymyň astynda goý-da, maňa wepaly
boljakdygyňa hem sözümi tutjakdygy-
ňa ant iç. Meni Müsürde jaýlamagyn.
30 Ata-babalarymyň ýanynda ýatarym
ýaly, meni Müsürden äkidip, şolaryň
ýanynda jaýla». Ýusup oňa: «Aýdyşyň
ýaly ederin» diýdi. 31 Ysraýyl Ýusuba:
«Ant iç!» diýdi. Ýusup ant içdi. Onsoň
Ysraýyl düşeginiň başynda tagzym etdi.

## 48-nji bap

### *Ýakup Efraýym bilen Manaşa pata berýär*

1 Şu wakalardan soň Ýusuba «Kakaň
hassadyr» diýen habar geldi. Ýusup iki
ogluny Manaşa bilen Efraýymy ýanyna
alyp ýola düşdi. 2 Ýakuba: «Ogluň Ýusup
seni görmäge geldi» diýip habar berdiler.
Ysraýyl ähli güýjüni jemläp, düşeginde
dikelip oturdy.
3-4 Ýakup Ýusuba şeýle diýdi: «Gud-
ratygüýçli Hudaý Kengan topragynda,
Luzda[a] maňa görnüp: „Men seni örňedip,
köpeldip, senden ençeme halklar
dörederin. Kengan topragyny saňa we
seniň nesilleriňe ebedi mülk edip bererin“
diýip pata beripdi. 5 Men Müsüre gelme-
zimden öň, bu ýerde doglan iki ogluň
Efraýym bilen Manaşa edil Ruben bilen
Şimgon ýaly meniň ogullarymdyr. 6 Olar-
dan soňky doguljak ogullaryň seniňki
bolsun. Olar Efraýym bilen Manaşadan
miras alarlar. 7 Padanaramdan gaýdyp
gelýärkäm, Kenganda Efrata[b] ýetmäge
sähel aralyk galanda, ýolda Rahel dün-
ýäden ötdi. Bu meni erbet gama batyrdy.
Men ony Efrata (häzirki Beýtullahama)
gidilýän ýoluň gyrasynda jaýladym».
8 Ysraýyl Ýusubyň ogullaryny görüp,
ondan: «Bular kim?» diýip sorady. 9 Ýu-
sup kakasyna: «Bular meniň ogullarym»
diýip jogap berdi. Ýakup Ýusuba: «Olary
meniň ýanyma getir, men olara pata
bereýin» diýdi. 10 Garrylykdan ýaňa
Ysraýylyň gözleri kütelişipdi we ol go-
wy görüp bilmeýärdi. Onsoň Ýusup
ogullaryny kakasynyň alkymyna getirdi.
Ýakup olary gujaklap ogşady.
11 Ysraýyl Ýusuba: «Men seniň dida-
ryňy görmekden umydymy üzüpdim,
ýöne Reb maňa seniň çagalaryňy-da
görkezdi» diýdi. 12 Ýusup ogullaryny ka-
kasynyň öňünden alyp, oňa iki bükülip
tagzym etdi. 13 Soňra Ýusup Efraýymy
sagyna alyp, Ysraýylyň çep tarapyna,
Manaşany bolsa çepine alyp, Ysraýy-
lyň sag tarapyna golaý getirdi. 14 Ýöne
Ysraýyl ellerini çalşyryp, kiçi agtygy
Efraýymyň başyna sag elini, uly agtygy
Manaşanyň başyna bolsa çep elini goýdy.
15 Ysraýyl Ýusuba pata berip, şeýle diýdi:

> «Ata-babalarym Ybraýymyň hem
> Yshagyň nazarynda gezen
> Hudaýy,

---

[a] **48:3-4** ***Luz*** – bu Beýteliň öňki ady.
[b] **48:7** ***Efrat*** – bu Beýtullahamyň öňki ady.

ömürboýy tä şu güne çenli
maňa garaşyk edip gelen
Hudaý,
16 meni ähli ýamanlykdan goran
perişde
bu oglanlary-da ýalkasyn!
Goý, meniň adym, ata-babalarym
Ybraýymyň hem Yshagyň
ady
şu oglanlaryň üsti bilen dowam
etsin!
Goý, olardan köp nesiller
döresin!»

17-18 Kakasynyň sag elini Efraýymyň
başyna goýmagy, Ýusuba ýaramady.
Ýusup: «Kaka, beýle däl. Nowbahar
oglum, ine, budur, Manaşadyr. Sag eli-
ňi onuň başyna goý» diýip, kakasynyň
elini Efraýymyň başyndan aýryp, ony
Manaşanyň başyna goýjak boldy. 19 Ýöne
kakasy beýle etmedi. Ol Ýusuba: «Bil-
ýän, oglum, bilýän. Manaşa hem beýik
bolar we onuň nesillerinden hem beýik
halk dörär. Emma onuň inisi Efraýym,
agasyndan has beýik bolar we onuň
nesillerinden juda köp milletler dörär»
diýdi. 20 Şol gün Ysraýyl olara pata be-
rip, şeýle diýdi:

«Ysraýyl halky kimdir birine pata
berende:
„Hudaý sizi edil Efraýymy hem
Manaşany ýalkaýşy ýaly
ýalkasyn“ –
diýip, siziň adyňyz bilen pata
berer».

Şeýdip, Ysraýyl Efraýymyň adyny Ma-
naşanyň adyndan öňe geçirdi.

21 Soňra Ysraýyl Ýusuba: «Meniň sa-
naglym dolup barýar. Emma Hudaý
siziň bilen bile bolar we sizi ýene-de
öz ata-babalaryňyzyň mekanyna elter.
22 Indi men Şekemi[a] doganlaryňa däl-de,
saňa berýärin; men ol mülk ýeri gyly-
jymdyr ýaýym bilen amorlardan basyp
aldym» diýdi.

## 49-njy bap

### *Ýakup ogullaryna pata berýär*

1 Ýakup öz ogullaryny çagyryp, olara:
«Ýanyma ýygnanyşyň, men geljek gün-
lerde size nämeleriň garaşýandygyny
aýdyp bereýin» diýdi.

2 «Eý, Ýakubyň ogullary, toplanyň-
-da, diňläň,
gulak asyň kakaňyz Ysraýyla!

3 Eý, Ruben, meniň nowbahar
oglum,
güýjüm-kuwwatym, jahyllyk
çagymyň ilkinji miwesi,
hemme ogullarymdan iň
mertebelisi we iň güýçlüsi
sensiň.
4 Suw kimin durnuksyzsyň sen,
indiden beýläk mertebäň
belende galmaz seniň,
çünki sen öz ataň düşegine geçip,
ony harama çykardyň.

5 Şimgon we Lewi dogandyr bular,
gylyçlaryny zalymlyk etmek
üçin ulanýandyr olar,
6 gatnaşmaýyn men olaryň
geňeşine asla,
goşulmaýyn men olaryň
toparyna,
çünki gaharlaryna adamlary
gyrdylar olar,
keýpihonlykda öküzleri maýyp-
-müjrüp etdiler olar.

---

[a] **48:22** ***Şekem*** – ýa-da *dag gerşi.*

7 Nälet bolsun olaryň gahar-
-gazaplaryna, çünki bu
zalymlykdyr,
nälet bolsun, olaryň
sütemkärligine, çünki bu
zabunlykdyr,
men Şimgonyň we Lewiniň
nesillerini Ýakubyň arasyna
dagadaryn,
men olary Ysraýylyň arasyna
pytradaryn.

8 Eý, Ýahuda,
eliň duşmanlaryňyň ýakasynda
bolar,
doganlaryň seni öwerler,
atańyň ogullary saňa boýun
egerler.
9 Eý, oglum Ýahuda,
sen aw awlap, awuny iýip,
dolanyp gelen şir balasy
kiminsiň,
sen şir dek, ene şir dek çökýäň-de
ýatýaň.
Şiri ýerinden gozgamaga milt
edýän ýokdur.
10 Şalyk hasasy Ýahudanyň elinden
düşmez,
onuň nesilleri şalyk sürer
elmydam,
Ol Şilo geler,
milletler oňa boýun
bolarlar.
11 Eşegini üzüm agajyna,
kürresini üzüm agajynyň iň
gowusyna daňýandyr ol,
şeraba ýuwýandyr eginbaşyny,
üzüm şiresine ýuwýandyr
donuny ol.
12 Gözleri şerapdan goýudyr onuň,
dişleri süýtden akdyr.
13 Deňiz kenarynda mesgen tutar
Zebulun,
gämiler üçin duralga bolar onuň
kenary,
Sidona ýeter ýeriniň çäkleri.

14 Horjunlarynyň arasynda ýazylyp
ýatan,
kuwwatly eşek kysmydyr
Ysakar.
15 Ysakar dynç alynýan ýeriň
amatlydygyny,
ýeriň göwne ýaramlydygyny
gördi,
şeýdip, ol ýük çekmek üçin
gerşini egip,
mejbury zähmet çekmeli boldy.

16 Ysraýyl tireleriniň biri hökmünde,
Dan öz halkyna hökümdarlyk
eder.
17 Dan atyň üstündäki atlynyň yza
serpileri ýaly,
atyň topugyndan çakýan
ýol ugrundaky ýylan deý,
ýodanyň boýundaky mar deý
bolar.
18 Halas etmegiňe garaşýandyryn
men, ýa Reb!

19 Galtamanlar Gatyň üstüne hüjüm
ederler,
emma Gat olaryň yzlaryndan
ýetip,
olaryň üstlerine hüjüm eder.
20 Topragyndan bol hasyl alar Aşer,
mynasyp näz-nygmatlar bilen
üpjün eder şalary.

21 Naftaly görmegeý çagaly
erkin suguna çalym edýär.

22 Ýusup bir miweli agaçdyr,
bulak başyndaky miweli
daragtdyr,

şahalary diwardan aşýar.
23 Ýaýçylar gazap bilen hüjüm
etdiler Ýusuba,
ony atyp, yzyndan kowdular
onuň.
24 Emma Ýakubyň Gudratly Hudaýy,
Ysraýylyň Çopany, Gaýasy
tarapyndan
onuň ýaýy berk,
gollary gujurly edildi.
25 Ataňyň Hudaýydyr saňa medet
berjek,
ýokardaky asmanyň bereketleri
bilen,
ýer astyndaky çuňluklaryň
bereketleri bilen,
ene göwsi hem ene ýatgysynyň
berekedi bilen
Gudratygüýçli Hudaý
ýalkajakdyr seni.
26 Ataňyň beren patalary
baky daglaryň bereketlerinden,
ebedi baýyrlaryň baýlygyndan
artykdyr,
şu patalar Ýusubyň
başyna insin,
doganlarynyň arasyndan
saýlananyň üstünde bolsun.
27 Benýamin hyrsyz möjekdir,
ol irden awuny tutup iýip,
agşam galan awuny
paýlaşdyrýandyr».

28 Ine, şular Ysraýylyň on iki tiresidir.
Atasy olara pata berip, şulary aýtdy.
Ýakup ogullarynyň hersine olaryň öz-
lerine laýyk pata berdi.

### *Ýakubyň ölümi*

29-30 Soňra Ýakup ogullaryna şeý-
le tabşyryk berdi: «Indi meniň ölüp,
ata-babalaryma gowuşmaly pursadym
golaýlap gelýär. Meni Kengan ýurdunda
ýerleşýän, Mamräniň gündogaryndaky
Makpela mülkündäki gowakda jaýlaň.
Ybraýym bu gowagy we mülki gonam-
çylyk etmek üçin Epron hetden satyn
alypdy. 31 Ybraýym we onuň aýaly Sara,
Yshak we onuň aýaly Rebeka hem şol
gowakda jaýlandylar. Men Leýany hem
şol ýerde jaýladym. 32 Ol mülk ýeri we
ondaky gowak hetlerden satyn alnandyr».
33 Ýakup ogullaryna tabşyryk berip
bolandan soň, aýagyny düşegine ýyg-
nap, dünýäden ötdi we ata-babalaryna
gowuşdy.

## 50-nji bap

1 Ýusup özüni kakasynyň üstüne oklap,
aglap, ony ogşady.
2 Ol öz hyzmatyndaky lukmanlara
kakasynyň jesedini mumyýalamagy
buýurdy. Lukmanlar Ysraýylyň jesedini
mumyýaladylar. 3 Bu iş kyrk güne çekdi,
çünki mumyýalamak şonça wagty ta-
lap edýärdi. Müsürliler ýetmiş günläp
Ysraýylyň ýasyny tutdular.
4-5 Ýas günleri geçenden soň, Ýusup
faraonyň köşgündäkilere şeýle diýdi:
«Eger men siziň göwnüňizden turan bol-
sam, onda faraona şeýle diýiň: „Kakam
ölmezinden öň: 'Meniň sanaglym dolup
barýar. Meni Kenganda özüm üçin gazan
gabrymda jaýlaň' diýip ant içirdi. Indi,
goý, ol maňa gidip, kakamy jaýlamaga
rugsat bersin; onsoň men yzyma dola-
naryn“». 6 Faraon: «Git-de, kakaňy ant
içişiň ýaly jaýla» diýdi.
7 Şeýdip, Ýusup kakasynyň jesedini alyp
ýola düşdi. Faraonyň ähli emeldarlary,
köşgüň we tutuş Müsüriň belent mertebeli
adamlary, 8 Ýusubyň tutuş hojalygy, onuň
doganlarydyr kakasynyň hojalygynda-
kylaryň hemmesi-de onuň ýanyndadylar.
Goşen welaýatynda diňe çagalar, ownuk-
ly-irili mallar galdy. 9 Söweş arabalary we

olaryň üstündäki esgerler-de Ýusup bilen
gitdi. Bu ägirt uly mähelledi. 10 Iordan
derýasynyň gündogaryndaky Atat har-
many diýen ýere ýetenlerinde, olar ses
edip aglaşdylar. Ýusup kakasy üçin ýedi
günläp ýas tutdy. 11 Atat harmany diýen
ýerdäki ýasy görüp, Kenganyň ýerli ila-
ty: «Müsürlileriň ýas tutuşy, gör, nähili
agyr!» diýişdiler. Şoňa görä-de, Iordan
derýasynyň gündogar tarapyndaky bu
ýere Abelmisraýym[a] diýen at berildi.
12 Şeýdip, Ysraýylyň ogullary kakalary-
nyň beren tabşyrygyny aýdyşy ýaly berjaý
etdiler. 13 Olar Ysraýyly Kengan topragy-
na getirip, Mamräniň gündogaryndaky
Makpela mülkündäki gowakda jaýladylar.
Ybraýym bu gowagy gonamçylyk etmek
üçin ýeri bilen bile Epron hetden satyn
alypdy. 14 Kakasyny jaýlandan soň, Ýusup
doganlary hem-de olar bilen kakasyny
jaýlamaga gelenleriň hemmesi bilen bile-
likde Müsüre gaýdyp geldi.

### *Ýusup doganlaryna göwünlik berýär*

15 Kakalary ölenden soň, Ýusubyň
doganlary «Eden ýamanlygymyz üçin
Ýusup kine saklap, bizden ar alsa nä-
me?» diýip güman etdiler. 16-17 Şunlukda,
olar Ýusuba: «Kakamyz bize ölmezi-
niň öň ýanynda Ýusuba şeýle diýiň:
„Doganlaryňyň jenaýat işini we eden
günälerini bagyşla, çünki olar saňa
ýamanlyk etdiler“ diýip tabşyrdy. Indi
öz ataňyň Hudaýynyň gullary bolan
biziň günämizi öt!» diýen habar ýolla-
dylar. Bu habary eşidip, Ýusup aglady.
18 Doganlarynyň özleri-de gelip, Ýusu-
byň öňünde ýüzin düşüp: «Biz seniň
gullaryňdyrys» diýdiler. 19 Ýusup olara:
«Gorkmaň, men Hudaýmy näme?! 20 Siz
maňa ýamanlyk etmek islediňiz, emma
görşüňiz ýaly, birtopar adamlary diri
galdyrmak üçin Hudaý ol ýamanlygy
ýagşylyga öwürdi. 21 Siz gorkmaň. Men
siziň-de, siziň çagalaryňyzyň-da alada-
syny ederin» diýip, Ýusup olara mähirli
sözler bilen göwünlik berdi.

### *Ýusubyň ölümi*

22 Şeýdip, Ýusup kakasynyň hojalygy
bilen bile Müsürde ornaşdy. Ol ýüz on
ýyl ýaşady. 23 Ýusup Efraýymyň üsti
bilen çowluklar gördi. Manaşanyň ogly
Makyryň çagalary Ýusubyň çagalary ha-
saplandy. 24 Ýusup doganlaryna: «Meniň
sanaglym dolup barýar, ýöne Hudaý hök-
man siziň dadyňyza ýetişer. Hudaý sizi
Müsürden çykaryp, Ybraýyma, Yshaga
we Ýakuba wada eden topragyna elter»
diýdi. 25 Soňra Ýusup Ysraýylyň ogulla-
ryna ant içirip, şeýle diýdi: «Hudaý size
nazar salanda, siz meniň süňklerimi-de
öz ýanyňyz bilen alyp gidiň». 26 Şeýdip,
Ýusup ýüz on ýaşynda dünýäden ötdi.
Onuň jesedi Müsürde mumyýalanyp,
tabyda salnyp goýuldy.

---

[a] **50:11** ***Abelmisraýym*** – bu söz *müsürlileriň ýasy* diýmegi aňladýar.

# Müsürden çykyş

## Giriş

*Müsürden çykyş* kitabynda Ysraýyllyň taryhyndaky iň wajyp waka beýan edilýär. Bu kitapda ysraýyl halkynyň gul bolup ýaşan ýurdy Müsürden çykyp gaýdyşy gürrüň berilýär. Kitap üç bölümden ybarat:

1) Musa pygamberiň çagyrylmagy we ýewreýleriň gulçulykdan azat edilmegi (1 – 13-nji baplar). Hudaý Musa pygambere ýanyp duran çalyda görnüp, ony çagyrýar. Hudaý Özüni oňa *Ýahwe*, ýagny *Mendirin* ady bilen aýan edýär (Msr 3:14-15). Bu at Köne Äht kitabynda Hudaýyň iň möhüm ady bolup, ol köplenç «Reb» diýip terjime edildi. Musa pygamber Hudaýyň buýrugyna görä faraondan ysraýyl halkyny azat etmegi talap edýär. Emma faraon ondan boýun towlandan soň, Reb Müsüriň başyna on sany betbagtçylyk getirmegi Musa tabşyrýar. Ahyrsoňy, faraon ysraýyllara Müsürden gitmäge rugsat berýär.

2) Ysraýyllaryň Sinaý dagyna ýörişi (14 – 18-nji baplar). Faraon ysraýyllary azat etmek pikirinden dänip, öz goşunyna olary yzyna gaýtarmagy buýurýar. Emma Reb ysraýyllary gorap, Müsür goşunyny weýran edýär. Ysraýyl halky bolsa çölüň içi bilen ýoluny dowam etdirýär. Reb olary azyk hem suw bilen üpjün edýär.

3) Sinaý dagynda Hudaýyň Öz halky ysraýyl bilen eden ähti. Hudaý ysraýyllara ýaşaýyş üçin ahlak, dini kanunlary we raýat hukuklaryny berýär. Şeýle hem Hudaý Ysraýyla ybadat öýüniň gurluşygy we enjamlaşdyrylyşy, ruhanylar we olaryň Rebbi Hudaýa ybadat etmek baradaky kanunlary berýär (19 – 40-njy baplar).

Kitabyň baş gahrymany Musa pygamberdir. Ol Hudaýyň halkyny Müsürden alyp çykmak üçin Reb tarapyndan saýlanylýar. Kitabyň ýigriminji babynda beýan edilýän On tabşyryk onuň iň meşhur bölümidir (20:1-17).

***Mazmuny***


Müsür gulçulygy ... *1:1-22*

Musa pygamberiň dogluşy we ýaşlyk döwri ... *2:1–4:31*

Musa we Harun Müsür faraonynyň öňünde ... *5:1–11:10*

Pesah we Müsürden çykyş ... *12:1–15:21*

Gyzyl deňizden Sinaý dagyna tarap ýöriş ... *15:22–18:27*

Kanun we Äht ... *19:1–24:18*

Mukaddes çadyr we sežde etmek üçin düzgünler ... *25:1–40:38*

## 1-nji bap

### *Müsürliler ysraýyllary ezýärler*

1 Ine, Ýakubyň Müsüre öz tutuş hoja-
lyklary bilen gelen ogullarynyň atlary:
2 Ruben, Şimgon, Lewi, Ýahuda, 3 Ysa-
kar, Zebulun, Benýamin, 4 Dan, Naftaly,
Gat, Aşer. 5 Ýakubyň ähli nesilleriniň
sany jemi ýetmişdi. Ýusup eýýäm Mü-
sürdedi. 6 Wagtyň geçmegi bilen Ýusup
we onuň ähli erkek doganlary, onuň
döwürdeşleri dünýäden ötdi. 7 Emma
ysraýyl ogullarynyň nesilleriniň tohum--tiji ýaýrap köpeldiler we olaryň sany
juda artdy, şoňa görä hem tutuş Müsür
olardan doludy.

8 Indi bolsa Müsür tagtyna Ýusup ha-
kynda hiç zat bilmeýän başga bir täze
patyşa çykdy. 9 Ol patyşa öz halkyna
ýüzlenip: «Serediň, bize görä ysraýyl-
laryň sany köp we güýçli. Bu biziň üçin
howply. 10 Olar mundan artyk köpelmez
ýaly, geliň, mekirlik bilen olaryň so-
ňuna çykalyň. Ýogsam, uruş turaýsa,
olar duşmanymyzyň tarapyna goşulyp,
bize garşy söweşmekleri we biziň ýur-
dumyzdan çykyp gitmekleri mümkin»
diýdi. 11 Şeýlelikde, müsürliler ysraýyl-
lary mejbury işledip, olary ezmek üçin,
olaryň üstünden hojaýynlar bellediler.
Ysraýyllar faraon üçin Pitom we Rag-
meses diýen galla saklanýan galalary
gurdular. 12 Emma müsürliler ysraýyllara
näçe zulum etseler-de, olar öňküsinden-
de has köpeldiler we olaryň sany juda
artdy. Müsürlileriň ysraýyllardan susty
basyldy. 13-14 Şeýdip, olar ysraýyllary
zalymlyk bilen ezip, olary laý we ker-
piç ýaly agyr işlerde, her hili meýdan
işlerinde işledip, olaryň durmuşyny ajy
ýaşaýşa öwürdiler. Ähli agyr işlerde
olara rehimsizlik bilen sütem etdiler.
15 Soňra biriniň adyna Şipra, beýle-
kisiniň adyna Puga diýilýän iki sany
ýewreý göbegenelerine Müsür patyşasy
şeýle diýdi: 16 «Siz ýewreý aýallaryna
göbegene bolup hyzmat edýän wagty-
ňyz, serediň, eger ogul dogursalar, ol
bäbegi öldüriň, eger gyz dogursalar,
goý, onda ol ýaşabersin». 17 Emma bu
göbegeneler Hudaýdan gorkýan aýallar
eken, olar Müsür patyşasynyň buýruşy
ýaly etmän, gaýtam, erkek doglan çaga-
lary-da diri galdyrypdyrlar. 18 Şonuň üçin
hem, Müsür patyşasy şol göbegeneleri
ýanyna çagyryp, olardan: «Näme üçin
siz beýle etdiňiz, erkek doglan çagalary
hem diri galdyrdyňyz?» diýip sorady.
19 Göbegeneler faraona: «Sebäbi ýewreý
aýallary Müsür aýallary ýaly däl, olar
dogumly, olaryň ýanyna göbegene gelip
ýetýänçä, olaryň özleri dograýýarlar»
diýdiler. 20 Hudaý hem bu göbegenelere
garaşyk etdi, şeýdip, ysraýyl halky has
köpeldi we güýçlendi. 21 Göbegeneleriň
Hudaýdan gorkýandygy sebäpli, Hudaý
olara-da uly maşgala berdi. 22 Soňra fa-
raon ähli müsürlilere: «Ýewreýlerden
doglan her bir ogul bäbegi alyp, Nil
deryasyna taşlaň, emma gyz bäbek bolsa,
goý, ol ýaşabersin» diýip buýruk berdi.

## 2-nji bap

### *Musa dogulýar*

1 Şol wagtlar lewilerden bir adam öz
tiresinden bir gyza öýlendi. 2 Onuň aýaly
göwreli bolup, bir ogul dogurdy, ol ça-
gasynyň ýakymlyjadygyny görüp, ony
öýünde üç aý gizläp saklady. 3 Ol aýal
çagasyny mundan artyk gizlin saklap
bilmejekdigine göz ýetirip, onuň üçin
gamyşdan örülen sebet aldy-da, onuň da-
şyny suw geçmez ýaly şepbik bilen örtdi.
Ol çagany şol sebediň içinde ýatyryp,

ony derýanyň gyrasyndaky suwda ösüp
oturan gamyşlaryň arasynda ýerleşdirdi.
4 Jigisine näme bolarka diýip, çaganyň
gyz dogany hem uzakdan seredip durdy.

5 Şol wagt faraonyň gyzy derýa suwa
düşmäge geldi. Onuň kenizleri bolsa
derýanyň kenarynda aýlanyp ýördüler.
Birdenkä faraonyň gyzy gamyşlaryň
arasyndaky sebedi görüp, ony getirmä-
ge kenizleriň birini iberýär. 6 Faraonyň
gyzy sebedi açyp görse, ine, onuň içinde
bir çaga aglap ýatyr. Onuň çaga ýüregi
gyýlyp: «Bu ýewreý çagalarynyň biri-
dir» diýýär. 7 Soňra çaganyň gyz dogany
faraonyň gyzynyň ýanyna gelip: «Men
gidip, çagany emdirer ýaly ýewreý aýal-
laryndan birini çagyraýynmy?» diýýär.
8 Faraonyň gyzy: «Çagyraý» diýýär. Şeý-
dip, ol gyz gidip, çaganyň öz ejesini alyp
gelýär. 9 Faraonyň gyzy ol aýala: «Şu
çagany äkit-de, muňa enekelik et. Men
seniň hakyňy tölärin» diýýär. Şeýlelik-
de, bu aýal çagany äkidip, oňa enekelik
edýär. 10 Çaga ösüp kemala gelende, ol
ony faraonyň gyzynyň ýanyna getirýär
we faraonyň gyzy ony özüne ogullyga
alýar. Ol: «Men muny suwdan çykar-
dym» diýip, onuň adyna Musa [a] dakýar.

### *Musa Midýana gaçyp gutulýar*

11 Musa ýigit çykandan soň, bir gün
öz halky bolan ýewreýleriň arasyna
aýlanmaga çykdy we olaryň agyr iş
zerarly çekýän jebrini gördi. Ol bir mü-
sürliniň öz halkyndan bolan bir ýewreýi
ýenjip duranyny gördi. 12 Musa eýlesi-
ne-beýlesine göz gezdirdi, hiç kime gözi
düşmänsoň, ol ýaňky müsürlini öldürdi
we onuň jesedini çägä gömüp gizledi.
13 Ertesi güni ol aýlanmaga çykanda,
iki sany ýewreýiň öz aralarynda urşup
duranlaryny gördi we olaryň günäli-
siniň ýanyna baryp: «Näme üçin sen
öz ýewreýiňi urýarsyň?» diýip sorady.
14 Ol adam: «Kim seni biziň üstümiz-
den hökümdar ýa kazy edip goýdy?
Düýnki müsürlini öldürişiň ýaly, meni
hem öldürmekçimiň?» diýdi. Mundan
soň Musa gorkdy we ol: «Meniň eden
işim eýýäm aýan bolupdyr» diýip pikir
etdi. 15 Faraon bu hakda eşidip, Musany
öldürtmegiň küýüne düşdi. Emma Musa
gaçyp, Midýan ýurdunda ornaşdy.

Bir gün Musa bir guýynyň başynda
otyrdy. 16 Midýan ruhanysynyň ýedi gyzy
bardy. Şol wagt olar guýa gelip, öz ka-
kalarynyň sürüsini suwa ýakmak üçin
nowalary suwdan doldurdylar. 17 Şon-
da beýleki çopanlar gelip, ol gyzlary
kowdular, emma Musa bu gyzlara arka
durup, olaryň sürüsini suwa ýakmaga
kömekleşdi. 18 Gyzlar öýlerine kakala-
ry Reguwalyň [b] ýanyna gelenlerinde,
olaryň kakasy: «Nädip siz bu gün öň-
kiňizden ir gelip bildiňiz?» diýip sorady.
19 Gyzlar: «Şu gün bizi bir müsürli adam
çopanlardan gorady, ol hatda biziň sü-
rimizi suwa ýakmaga hem kömek etdi»
diýdiler. 20 Ol gyzlaryna: «Hany, ol adam
nirede? Näme üçin siz ony taşlap gaýtdy-
ňyz? Ony çagyryň, biziň bilen duz-çörek
iýsin» diýdi. 21 Şeýlelikde, Musa bu ada-
myňkyda ýaşamaga razylaşdy we ol öz
gyzy Syporany Musa durmuşa çykardy.
22 Sypora Musa bir ogul dogrup berdi.
Musa: «Men bir ýat ýurtda gelmişek
boldum» diýip, onuň adyna Gerşom [ç]
dakdy.

---

[a] **2:10** Ýewreýçe *Musa* we *çykardym* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **2:18** ***Reguwal*** – Reguwalyň beýleki ady *Ýitro*. Seret: Msr 3:1.
[ç] **2:22** Ýewreýçe *Gerşom* we *gelmişek* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

23 Köp wagtyň geçmegi bilen Müsür
patyşasy dünýäden ötdi. Ysraýyllar bolsa
heniz hem gulçulykda ezilýändiklerin-
den nalap, kömek sorap perýat etdiler.
Olaryň zulum astynda edýän ahy-nalasy
Hudaýa baryp ýetdi. 24 Hudaý olaryň na-
lyşyny eşitdi we Ol Ybraýym, Yshak we
Ýakup bilen eden ähtini ýadyna saldy.
25 Hudaý ysraýyllara nazar salyp, olaryň
hal-ahwallarynyň nähilidigine düşündi.

## 3-nji bap

### *Reb Musa görünýär*

1 Şol wagtlar Musa gaýynatasy Midýan
ruhanysy Ýitronyň sürüsini bakýardy.
Bir gün ol sürüsini çölüň içi bilen sü-
rüp, Hudaý dagy Horebe[a] geldi. 2 Oňa
çalynyň ortarasynda alawly ot bolup,
Rebbiň bir perişdesi göründi. Musa
çalynyň ýanýandygyna garamazdan,
onuň hiç otda ýanyp gutarmaýandygyny
gördi. 3 Musa: «Bu geň zady ýakynrak
baryp göreýin-le, näme üçin çaly otda
ýanmaýarka?» diýdi. 4 Reb Musanyň
ýakynlaşyp gelýändigini görende, çaly-
nyň içinden oňa: «Musa! Musa!» diýip
seslendi. Musa: «Lepbeý» diýip jogap
berdi. 5 Soňra Hudaý: «Mundan ýakyn
gelme, aýagyňdaky çarygyňy çykar,
çünki seniň bu duran ýeriň mukaddes
toprakdyr! 6 Men seniň ata-babalary-
ňyň: Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň
Hudaýydyryn» diýdi. Musa Hudaýa
seretmekden gorkup, ýüzüni ýapdy.

7 Soňra Reb ýene-de: «Men halky-
myň Müsürde çekýän jebir-sütemini,
hakykatdan-da, gördüm, olaryň müsür
hojaýynlaryndan ýaňa nalaýandyklaryny
eşitdim. Men olaryň çekýän jebir-jepa-
laryny bilýärin. 8 Şonuň üçin hem Men
olary müsürlileriň elinden azat etmek
üçin aşak indim. Men olary süýt we bal
akýan mes toprakly ýurda – kengan-
laryň, hetleriň, amorlaryň, perizleriň,
hiwileriň we ýabuslaryň ýurduna alyp
barjak. 9 Ine, indi Maňa ysraýyllaryň
ahy-nalasy gelip ýetdi, Men müsürlile-
riň olary zalymlyk bilen ezýändiklerini
gördüm. 10 Häzir bolsa Men seni Öz hal-
kym bolan ysraýyllary Müsürden alyp
gaýtmak üçin faraonyň ýanyna ibereýin»
diýdi. 11 Musa bolsa Hudaýa: «Faraonyň
ýanyna gidip, ysraýyllary Müsürden
çykaryp getirer ýaly, men kim bolupdy-
ryn?» diýdi. 12 Hudaý oňa: «Seniň bilen
boljak Mendirin. Sen halky Müsürden
çykaryp getireniňde, Maňa şu dagda
sežde edersiňiz. Bu bolsa seni Meniň
ýollandygymyň nyşany bolar» diýdi.

13 Soňra Musa Hudaýa: «Eger men
ysraýyllaryň ýanyna baryp: „Meni siziň
ýanyňyza ata-babalaryňyzyň Hudaýy
iberdi“ diýsem, olar hem: „Onuň ady
näme?“ diýip sorasalar, men olara näme
jogap bereýin?» diýdi. 14 Hudaý Musa:
«Men Mendirin. Ysraýyllaryň ýanyna ba-
ryp: „Siziň ýanyňyza ‘Mendirin’ iberdi“
diýip aýt» diýdi. 15 Hudaý Musa ýene-de
şulary aýtdy: «Ysraýyllaryň ýanyna
seni ata-babalaryňyzyň Hudaýy bolan
Rebbiň[b], ýagny Ybraýymyň, Yshagyň
we Ýakubyň Hudaýynyň iberendigini
aýt. Bu Meniň ebedilik adymdyr, şu
at bilen Men nesilme-nesil ýatlanaryn.
16 Sen bar-da, ysraýyl ýaşulularyny bir
ýere ýygna we olara ata-babalaryňyzyň
Hudaýy Rebbiň, ýagny Ybraýymyň,

[a] **3:1** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.
[b] **3:15** ***Reb*** – ýewreýçe *Ýahwe*. Bu söz *Mendirin* diýen sözüň aýdylyşyna meňzeşdir. Sözlüge seret.

Yshagyň we Ýakubyň Hudaýynyň sa-
ňa görnendigini we olaryň Müsürdäki
hal-ahwallaryndan Meniň habarymyň
bardygyny aýt. 17 Men olary Müsür zu-
lumyndan azat edip, süýt we bal akýan
mes toprakly ýurda, ýagny kenganlaryň,
hetleriň, amorlaryň, perizleriň, hiwileriň
we ýabuslaryň ýurduna eltmegi wada
berendigimi olara gürrüň ber. 18 Olar se-
niň sözüňe gulak asarlar, soňra ysraýyl
ýaşululary bilen Müsüriň patyşasynyň
ýanyna bararsyňyz hem-de oňa: „Ýew-
reýleriň Hudaýy Reb biziň bilen duşdy.
Indi bolsa Hudaýymyz Rebbe gurbanlyk
bermek üçin, bizi üç günlük çöle goýber-
megiňi senden towakga edýäris“ diýiň.
19 Müsüriň patyşasy gudratly gol bilen
mejbur edilýänçä, sizi goýbermejekdi-
gini Men bilýärin. 20 Şonuň üçin hem,
Men Müsüre göz görkezerin we onuň
içinde etjek ähli geň gudratlarym bilen
olaryň temmisini bererin. Şondan soň
patyşa sizi goýberer. 21 Ysraýyllar Mü-
sürden çykanlarynda, Men müsürlilere
ysraýyllary sylar ýaly ederin. Ysraýyllar
ol ýerden elleri boş çykmazlar. 22 Her bir
ysraýyl aýaly müsürli goňşusyndan we
öz öýünde ýaşaýan müsürli aýaldan al-
tyn-kümüş şaý-sepler we geýim-gejimler
sorap alarlar. Siz olary ogul-gyzlaryňyza
dakarsyňyz we olary geýindirersiňiz.
Siz müsürlileriň baýlyklaryny talap
gaýdarsyňyz».

## 4-nji bap

### *Reb Musa gudratly güýç berýär*

1 Soňra Musa Rebbe: «Eger olar maňa
ynanmasalar ýa-da sözüme gulak asman
„Reb saňa görnen däldir“ diýseler, men
näme edeýin?» diýdi. 2 Reb Musadan:
«Eliňdäki näme?» diýip sorady. Ol hem:
«Hasa» diýdi. 3 Reb: «Ony ýere taşla»
diýdi. Musa ony ýere taşlady, ol hasa
ýylana öwrüldi. Şonda Musa ondan ga-
çyp başlady. 4 Emma Reb Musa: «Eliňi
uzat-da, onuň guýrugyndan tut» diýdi.
Musa elini uzadyp, ony tutan badyna,
ýylan onuň elinde öňküsi ýaly hasa öw-
rüldi. 5 Reb oňa: «Ine, muňa ynanarlar,
olaryň ata-babalarynyň Hudaýy Rebbiň,
ýagny Ybraýymyň, Yshagyň we Ýa-
kubyň Hudaýynyň saňa görnendigine
ynanarlar» diýdi.

6 Reb Musa ýene-de: «Eliňi donuňyň
içine sok» diýdi. Ol hem elini donunyň
içine sokdy. Ol elini daşyna çykaranda,
onuň eli ak gar ýaly pis açdy. 7 Soňra Hu-
daý oňa: «Eliňi yzyna donuňyň içine sal»
diýdi. Musa elini ýene-de donunyň içine
salyp, täzeden çykaranda, bedenindäki
beýleki agzalar ýaly bolup, onuň eli öňki
kaddyna geldi. 8 Hudaý: «Eger olar saňa
ynanmasalar ýa-da birinji görkezen ala-
matyňa ikirjiňlenseler, belki, olar seniň
görkezen şu ikinji alamatyňa ynanarlar.
9 Eger olar bu görkezen iki alamatyňa-da
ynanmasalar ýa-da saňa gulak asmasalar,
onda Nil derýasyndan biraz suw getirip,
ony gury ýere dök. Şol getiren suwuň
gury ýerde gana öwrüler» diýdi.

10 Emma Musa Rebbe: «Eý, Taňrym,
Öz guluň bolan maňa geplemeziňden
öňem, soňam hiç haçan men dilewar
adam bolmadyk. Men gepe çeper däl,
dilim tutuk ýaly» diýdi. 11 Reb oňa:
«Adamyň agzyny kim ýaratdy? Ony
lal ýa-da ker edýän kim? Kim oňa gö-
reç berýär ýa-da kim ony kör edýär? Bu
Men Reb dälmi näme? 12 Häzir bolsa
ýola düş, Men saňa sözlemäge kömek
ederin we saňa näme aýtmalydygyňy
öwrederin» diýdi. 13 Musa bolsa ýene-
de: «Eý, Taňrym, ýalbarýaryn, şol ýere
maňa derek başga birini iberäýsene»
diýdi. 14 Şundan soň Rebbiň Musa gahary

geldi we oňa: «Lewiler neslinden bolan
doganyň Harun şol ýerde dälmi näme?
Men onuň dile çeperdigini bilýärin. Ol
eýýäm seni garşy almak üçin ýolda
we ol seni görenine ýürekden begener.
15 Sen oňa gepläp, sözleri onuň agzyna
salyp berersiň. Men siziň ikiňize hem
geplemäge kömek ederin we size näme
etmelidigiňizi öwrederin. 16 Saňa derek
adamlar bilen Harun gepleşer. Ol seniň
sözleýjiň bolar, sen bolsa onuň üçin
Hudaý ýaly bolarsyň. 17 Alamatlary gör-
kezer ýaly, sen bu hasany hem öz ýanyň
bilen al» diýdi.

### *Musa Müsüre dolanýar*

18 Musa gaýynatasy Ýitronyň ýanyna
gelip, oňa: «Maňa yzyma, Müsüre öz
dogan-garyndaşlarymyň ýanyna git-
mäge ygtyýar ber. Olar dirimikä, gidip
göreýin» diýdi. Ýitro Musa: «Sag-aman
gidip gel» diýdi. 19 Midýanda Reb Musa:
«Müsüre, yzyňa gaýdyber, çünki seniň
janyňa kast etjek adamlaryň hemmesi
öldi» diýdi. 20 Şeýlelikde, Musa aýalyny
we ogullaryny eşege mündürip, yzyna,
Müsür ýurduna gaýtdy. Ol öz ýany bilen
keramatly hasany hem aldy.
21 Reb Musa şeýle diýdi: «Müsüre, yzy-
ňa baranyňda, Meniň saňa beren güýjüm
bilen faraonyň öňünde ähli gudratlary
görkezersiň. Emma Men faraony doň-
ýürek adam ederin, şol sebäpli hem ol
ysraýyl halkyna gitmäge rugsat etmez.
22 Siz bolsa faraona şeýle diýiň: „Reb
saňa şeýle aýdýaryn: Ysraýyl Meniň
nowbahar oglum. 23 Maňa gulluk eder
ýaly Meniň oglumy goýber diýdim, em-
ma sen onuň gitmegine garşy bolduň.
Seret, indi Men hem seniň ilkinji bolan
ogluňy öldürerin“».
24 Ýolda olar bir kerwensaraýda düşlän-
lerinde, Reb Musa duşup, ony öldürmäge
synanyşýar. 25 Emma Sypora çakmak-
daşdan edilen pyçagy alyp, oglunyň
ujydynyň pürçügini kesýär-de, ony
Musanyň aýagyna degirýär we oňa:
«Hakykatdan-da, sen gan üsti bilen bag-
laşan ärimsiň» diýýär. 26 Şundan soň Reb
onuň ýanyndan aýrylýar. Sypora «Sen
gan üsti bilen baglaşan ärimsiň» diýip,
sünnet sebäpli aýtdy.
27 Reb Haruna: «Çöle git-de, Musanyň
öňünden çyk» diýdi. Şeýlelikde, Harun
gidip, ony Hudaý dagynda garşy alyp,
ony gujaklady. 28 Soňra Musa Haruna
Rebbiň oňa aýt diýip iberen zatlarynyň
hemmesini aýtdy. Rebbiň oňa ýerine
ýetirmeli diýip buýran ähli gudratly
alamatlary hakynda hem gürrüň ber-
di. 29 Musa bilen Harun Müsüre baryp,
ysraýyl ýaşulularynyň hemmesini bir
ýere ýygnadylar. 30 Harun Rebbiň Musa
aýdanlarynyň ählisini olara gürrüň berdi.
Halkyň öňünde ol alamatlary hem gör-
kezdi. 31 Adamlar oňa ynandylar. Ysraýyl
halkyna Rebbiň nazar salandygyny we
olaryň çekýän jebirlerini görendigini
eşidenlerinde, olar başlaryny egip sež-
de etdiler.

## 5-nji bap

### *Musa bilen Harun faraonyň huzurynda*

1 Şundan soň Musa bilen Harun fara-
onyň ýanyna gidip, oňa şeýle diýdiler:
«Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär:
„Meniň halkymy goýber, goý, olar çöl-
de Meniň şanyma baýram etsinler“».
2 Emma faraon: «Kimmiş Ol Reb, Onuň
sözüne gulak asyp, men ysraýyllary
goýberer ýaly? Men Rebbi bilmeýärin,
ysraýyllaryň gitmegine ýol berjek däl»
diýdi. 3 Soňra olar: «Ýewreýleriň Hudaýy
bize duşdy. Indi bolsa bize üç günlük çöle

gidip, Hudaýymyz Rebbe gurbanlyk ber-
mäge rugsat et, ýogsam, Reb bizi gyrgyna
berer ýa-da gylyç bilen biziň başymyzy
alar» diýdiler. 4 Emma Müsüriň patyşasy
olara: «Eý, Musa we Harun, näme üçin
siz bu halkyň elini işden sowadýarsyňyz?
Öz işiňiz bilen boluň. 5 Görýäňizmi, häzir
bu ýerde olaryň sany biziň öz halkymy-
zyňkydan-da köp, siz bolsa olary işinden
dyndarjak bolýarsyňyz» diýdi.

6 Şol günüň özünde faraon gul hoja-
ýynlaryna we ysraýyllaryň özleriniň
baş gözegçilerine şeýle buýruk berdi:
7 «Mundan buýana bu halka kerpiç gu-
ýar ýaly saman bermäň. Goý, olar gidip,
samany özleri tapsynlar. 8 Emma olaryň
guýýan kerpiçleriniň sany öňküsi bilen
deň bolsun, ýekejesini hem kemeltmäň.
Olar ýalta, şonuň üçin olar: „Bizi goýber,
Hudaýymyza gurbanlyk bereli“ diýşip
gygyryşýarlar. 9 Bu adamlaryň ünsi diňe
işde bolar ýaly, has agyr işler bilen ola-
ryň egninden basyň. Şonda olar ýalan
geplere gulak gabartmazlar».

10 Şeýlelikde, ysraýyllaryň gul eýeleri
we olaryň baş gözegçileri çykyp, olara:
«Faraon şeýle diýýär: „Men size saman
berjek däl. 11 Nireden tapsaňyz, şondan
tapyň, samany özüňiz ediniň, emma
gündelik edýän işiňiz bolsa sähelçe-
de azaljak däldir“» diýdiler. 12 Şeýdip,
halk özlerine saman edinmek üçin orlan
meýdan gözläp, Müsüriň ähli ýerine
dagadylar. 13 Gul eýeleri olardan her
günki etmeli işlerini edil saman bilen
üpjün edilýän döwründäki ýaly ýerine
ýetirmeklerini berk talap edýärdiler.
14 Faraonyň gul eýeleri tarapyndan
bellenen ysraýyllaryň baş gözegçileri
urulýardylar we olardan: «Näme üçin
siz bu gün guýmaly kerpiç paýyňyzy
öňkiňiz ýaly doly ýerine ýetirmeýärsi-
ňiz?» diýip hasabat soralýardylar.

15 Ahyry ysraýyllaryň baş gözegçileri
faraonyň ýanyna gidip, oňa: «Näme üçin
biz gullaryňa beýle daraýaň? 16 Bize saman
berilmeýär, muňa garamazdan, „Kerpiç
guýuň!“ diýip buýruk berýärler. Ine, gul-
laryňy ýençýärler, emma günä seniň öz
adamlaryňda ahyry» diýip arz edýärler.
17 Emma faraon: «Siz baryp ýatan bir iş-
ýakmaz. Şonuň üçin hem siz: „Bizi goýber,
gidip, Rebbe gurbanlyk bereli“ diýýär-
siňiz. 18 Häzir bolsa gidiň-de işläň. Size
saman berilmez, ýöne şonda-da kerpiji
öňki mukdarda öndürersiňiz» diýdi. 19 Ys-
raýyllaryň baş gözegçilerine her günki
öndürilmeli kerpijiň sanynyň ýekejesiniň
hem kemeldilmeli däldigini aýdanlarynda,
olar özleriniň betbagtlyga uçrandyklaryna
göz ýetirdiler. 20 Olar faraonyň ýanyndan
çykanlarynda, özlerine garaşyp duran
Musa bilen Haruna duşdular. 21 Olar Musa
bilen Haruna: «Faraon we onuň emeldar-
lary tarapyndan siz biziň başymyza bela
getirdiňiz, bizi öldürer ýaly, olaryň eline
gylyç berdiňiz. Munuň üçin Reb size göz
görkezip, jezaňyzy berer» diýdiler.

### *Reb azatlygy söz berýär*

22 Soňra Musa ýene-de Rebbe ýüzlenip:
«Eý, Rebbim, näme üçin bu adamla-
ra betbagtlyk getirdiň? Aslynda näme
üçin meni goýberdiň? 23 Seniň adyňdan
faraon bilen gepleşmäge gelelim bäri,
ol bu adamlara görgi baryny görkezdi.
Sen bolsa Öz halkyňy azat etmek üçin
ýekeje-de zat etmediň» diýdi.

## 6-njy bap

1 Emma Reb Musa: «Meniň faraona
näme etjegimi indi görersiň. Men ony
gudratly golum bilen halkymy goýber-
mäge mejbur ederin, ol şu gudratly goluň
zarbyndan ýaňa, olary hatda öz ýurdun-
dan kowup çykarar» diýdi.

2 Hudaý Musa şeýle diýdi: «Men
Rebdirin. 3 Men Ybraýyma, Yshaga
we Ýakuba Gudratygüýçli Hudaý bo-
lup göründim, emma Özümi olara Reb
adym bilen tanatmadym. 4 Men ola-
ra gelmişek bolup ýaşan ýurdy bolan
Kengan topragyny bermegi äht etdim.
5 Şeýle hem, Men ysraýyllaryň Müsürde
gulçulykdan ýaňa ezilýändikleri se-
bäpli edýän ahy-nalasyny eşitdim we
Öz eden ähtimi ýatladym. 6 Şonuň üçin
hem ysraýyllara aýt: „Men Rebdirin.
Men sizi Müsür zulumyndan çykaryp,
gulçulykdan azat ederin. Gudratly güýç
bilen we agyr jezalarym bilen Men sizi
olardan azat ederin. 7 Men sizi Öz hal-
kym edip kabul ederin we Men siziň
Hudaýyňyz bolaryn. Onsoň sizi Müsür
gulçulygyndan boşadan Hudaýyňyz
Rebbiň Mendigimi bilersiňiz. 8 Men sizi
Ybraýyma, Yshaga we Ýakuba söz be-
ren ýerime elterin we Men size ol ýeri
eýelemäge berjekdirin. Men Rebdirin“».
9 Musa bu sözleri ysraýyllara aýdyp ber-
di, emma olar göwnüçökgündikleri we
rehimsiz ezilýändikleri sebäpli Musany
diňlemediler.
10-11 Soňra Reb Musa: «Git-de, Müsüriň
patyşasy faraona aýt, goý, ol ysraýyllara
Müsür ýurdundan çykyp gaýtmaga rug-
sat bersin» diýdi. 12 Emma Musa Rebbe:
«Görýäňmi, entek ysraýyllar meni diň-
länok, onsoň faraon maňa nädip gulak
assyn, men bir dilsiz-agyzsyz adam ýaly
ahyryn» diýdi. 13 Reb Musa we Harun
bilen ysraýyllar we Müsüriň patyşasy
faraon hakynda gepleşip, olara ysraýyl-
lary Müsürden alyp çykmagy buýurdy.

### *Musa bilen Harunyň nesil daragty*

14 Bular ysraýyllaryň atalarynyň
urugbaşylary: Ysraýylyň ilkinji ogly
Rubeniň ogullary: Hanok, Pallu, Hesron
we Karmy. Bular Rubeniň uruglarydy.
15 Şimgonyň ogullary: Ýemuwel, Ýamyn,
Ohat, Ýakin, Sohar we kengan aýalyn-
dan bolan ogly Şawul. Bular Şimgonyň
uruglarydy. 16 Lewiniň nesil daragtyna
görä, onuň ogullarynyň atlary şular-
dyr: Gerşon, Kohat we Merary. Lewi
bir ýüz otuz ýedi ýaşap dünýäden ötdi.
17 Gerşonyň ogullary: Libni we Şimgi
uruglary bilen. 18 Kohadyň ogullary:
Imran, Ýishar, Hebron we Uzyýel. Kohat
bir ýüz otuz üç ýaşap öldi. 19 Merary-
nyň ogullary: Mahly we Muşy. Ine, bu
aşakdakylar bolsa lewileriň nesilleri
boýunça uruglary. 20 Imran öz kaka-
synyň gyz jigisi Ýokebedi özüne aýal
edip aldy, ol hem oňa Harun bilen Mu-
sany dogrup berdi. Imran bir ýüz otuz
ýedi ýaşap aradan çykdy. 21 Ýisharyň
ogullary: Kora, Nepek, Zikri. 22 Uzyýel
ogullary: Mişaýyl, Elsapan we Sitri.
23 Harun Eminadabyň gyzy, Nahşonyň
gyz dogany Elişeba öýlendi we olaryň
Nadap, Abyhu, Elgazar we Ytamar di-
ýen ogullary boldy. 24 Koranyň ogullary:
Asyr, Elkana we Abyýasap. Bular Kora-
nyň uruglary bolupdyr. 25 Harunyň ogly
Elgazar Putyýeliň gyzlarynyň birini
özüne aýal edip aldy we ondan Pinehas
diýen ogly boldy. Ine, şular lewileriň
uruglary boýunça olaryň atalarynyň
urugbaşylary bolupdyr.
26 Rebbiň: «Ysraýyllary topar-topar
edip, Müsürden alyp çyk» diýip buý-
ruk beren adamlary ine, şu Harun bilen
Musady. 27 Ysraýyllary, Müsürden alyp
gaýtmak üçin, Müsür patyşasy faraon
bilen gepleşenler hem şular – Musa
bilen Harundy.

### *Harun Musanyň sözleýjisi bolýar*

28 Şol gün Reb Müsürde Musa ýüzlendi.
29 Reb Musa: «Men Rebdirin. Meniň saňa

aýdýanlarymyň hemmesini Müsüriň
patyşasy faraona ýetir» diýdi. 30 Emma
Musa Rebbe: «Men söze garyp adam,
onsoň faraon meni nädip diňlesin» diýdi.

### 7-nji bap

1 Soňra Reb Musa şeýle diýdi: «Fa-
raonyň öňünde Men seni Hudaý ýaly
edýärin we doganyň Harun bolsa seniň
pygamberiň ýaly bolar. 2 Meniň saňa
buýurýan tabşyryklarymyň ählisini
sen aýtmalysyň, doganyň Harun bolsa
faraondan ysraýyllary öz ýurdundan
goýbermegini sorar. 3 Emma Men fara-
ony doňýürek adam ederin. Hatda Men
Müsürde alamatlarymyň we gudratlary-
myň sanyny köpeltsem-de, 4 faraon sizi
diňlemez. Şundan soň Men Müsüre göz
görkezip, olara agyr jezalar berip, Öz
halkym bolan ysraýyllary topar-topar
edip, Müsürden alyp çykaryn. 5 Men
golumyň güýjüni görkezip, Müsürden
ysraýyllary alyp çykanymda, müsürli-
ler Rebbiň Mendigime göz ýetirerler».
6 Musa bilen Harun Rebbiň hut özleri-
ne buýruşy ýaly etdiler. 7 Faraon bilen
gepleşen wagtlary Musa segsen, Harun
bolsa segsen üç ýaşyndady.

### *Hasa ýylana öwrülýär*

8 Reb Musa bilen Haruna ýüzlenip:
9 «Eger faraon size „Gudrat görkeziň“
diýse, Musa, sen Haruna: „Hasaňy al-
da, faraonyň öňünde ony ýere taşla“
diý, şonda hasa ýylana öwrüler» diýdi.
10 Şeýlelikde, Musa bilen Harun farao-
nyň ýanyna bardylar we Rebbiň buýruşy
ýaly etdiler. Harun faraonyň we onuň
emeldarlarynyň öňünde hasasyny ýere
taşlady, ol ýylana öwrüldi. 11 Faraon hem
öz akyldarlaryny, jadygöýlerini ýygna-
dy. Olar hem özleriniň gizlin usullary
bilen şeýle etdiler. 12 Olaryň hersi öz
hasalaryny ýere taşladylar welin, olar
hem ýylana öwrüldiler. Emma Haru-
nyň hasasy olaryň hasalaryny ýuwutdy.
13 Faraonyň ýüreginiň doňy entek hem
çözülenokdy. Rebbiň aýdyşy ýaly, ol
heniz hem bulara gulak gabartmaýardy.

### *Birinji betbagtçylyk: suw gana öwrülýär*

14 Soňra Reb Musa şeýle diýdi: «Faraon
doňýürek adam, ol halky goýbermekden
ýüz öwürýär. 15 Faraonyň irden derýa
suwa düşmäge çykýan wagty, sen onuň
ýanyna bar. Oňa duşmak üçin, Nil der-
ýasynyň ýanynda garaş, eliňe ýylana
öwrülen hasany hem al. 16 Soňra oňa
şeýle diý: „Ýewreýleriň Hudaýy Reb, ine,
şulary aýtmak üçin meni seniň ýanyňa
iberdi. Ol saňa: ‘Meniň halkymy goýber,
goý, olar çölde Maňa ybadat etsinler’
diýdi. Ine, sen bolsa, entek hem muňa
boýun bolmadyň. 17 Reb şeýle diýýär: ‘Şu
etjek işimi görüp, sen Meniň Rebdigimi
bilersiň: Görýäňmi, men şu elimdäki
hasa bilen Nil derýasynyň suwuna uran
badyma, suw gana öwrüler. 18 Nildäki
balyklar öler we derýa porsar. Müsürliler
Niliň suwundan içip bilmezler’“». 19 Reb
Musa: «Haruna aýt: „Hasasyny alsyn-da,
Müsüriň ähli suwlaryna: olaryň derýa-
laryna, ýaplaryna, howuzlaryna we ähli
suw howdanlaryna hasasy bilen urup
çyksyn. Müsüriň ähli suwlary, hatda
çelekdäki we daş küýzelerdäki suwlar
hem gana öwrüler“» diýdi.
20 Musa bilen Harun Rebbiň buýruşy
ýaly etdiler. Harun faraonyň we onuň
emeldarlarynyň öňünde hasasyny uza-
dyp, Nil derýasynyň suwuna urdy, Nil
derýasynyň tutuş suwy gana öwrüldi.
21 Nildäki balyklar ölüp, derýa porsady.
Şeýlelikde, müsürliler Nil derýasyndan
suw içip bilmediler, Müsüriň ähli suwy

gana boýaldy. 22 Emma Müsür jadygöý-
leri hem özleriniň gizlin usullary bilen
şeýle etdiler. Şeýdip, faraonyň ýüregi
doňlugyna galdy. Rebbiň aýdyşy ýaly,
faraon olary diňlemedi. 23 Faraon yzy-
na öwrüldi-de, öz jaýyna girip gitdi, ol
muny hatda piňine-de almady. 24 Niliň
suwundan içip bilmeýändikleri üçin,
ähli müsürliler agyz suw gözläp, Nil
derýasynyň boýuny gazdylar.
25 Rebbiň Nil derýasyny şeýle edenin-
den soň ýedi gün geçipdi.

## 8-nji bap

### *Ikinji betbagtçylyk: gurbagalar*

1 Soňra Reb Musa şeýle diýdi: «Fa-
raonyň ýanyna bar-da, oňa şeýle diý:
„Reb saňa şeýle diýýär: ‘Meniň halkymy
goýber, olar gidip, Maňa ybadat etsinler.
2 Sen olary goýbermekden ýüz öwürseň,
onda Men gurbagalar çozduryp, tutuş
ýurduňa betbagtlyk getirerin. 3 Nil der-
ýasy gurbaga sürüsinden dolup, olar
seniň öýüňe, köşgüňe we ýatýan dü-
şegiňe çenli gelerler. Gurbagalar seniň
emeldarlaryňyň we halkyňyň öýlerine
dolar, olar hatda tamdyrlaryňyzyň içine
we hamyr ýugrulýan jamyňyza çenli
girerler. 4 Gurbagalar seniň üstüňe, se-
niň halkyňyň we ähli emeldarlaryňyň
üstüne çykarlar’“». 5 Reb Musa: «Haruna
aýt: „Goý, ol elindäki hasasyny uzadyp,
derýalara, ýaplara we suw howdanlary-
na urup, gurbagalar çykarsyn. Müsüriň
ýerini gurbagalar gaplap alar“» diýdi.
6 Şeýlelikde, Harun hasasy bilen Müsür-
däki suwlara urup çykdy we gurbagalar
peýda boldy. Tutuş Müsüriň ýeri gurba-
galar bilen örtüldi. 7 Emma jadygöýler
hem özleriniň gizlin usullary bilen şeýle
etdiler, olar hem Müsürde gurbagalar
çykardylar.
8 Soňra faraon Musa bilen Haruny ça-
gyryp, olara: «Menden we halkymdan
gurbagalaryň aýrylyp gitmegini sorap,
Rebbe dileg ediň. Men bolsa halkyňyzy
Rebbe gurbanlyk bermäge goýbererin»
diýdi. 9 Musa faraona: «Seniň üçin, emel-
darlaryň we halkyň üçin haçan dileg
etmelidigini maňa özüň aýdaý, şonda
gurbagalar sizden we siziň öýleriňizden
ýok bolup giderler, olar diňe Nil derýa-
synda galar» diýdi. 10 Faraon hem oňa:
«Ertir dileg edäý» diýdi. Musa oňa: «Goý,
seniň aýdyşyň ýaly bolsun! Çünki sen
biziň Hudaýymyz Reb ýaly başga hiç
kimiň ýokdugyny bilersiň. 11 Gurbagalar
senden, siziň öýleriňizden, emeldarla-
ryňdan we halkyňdan aýrylyp, diňe Nil
derýasynda galar» diýdi. 12 Şeýlelikde,
Musa bilen Harun faraonyň ýanyndan
gaýtdylar. Musa faraonyň üstüne çozdu-
ran gurbagalaryny ýok etmegini sorap,
Rebbe dileg etdi. 13 Reb hem Musanyň
dilegini ýerine ýetirdi. Öýlerdäki, how-
lulardaky we meýdanlardaky gurbagalar
öldüler. 14 Müsürliler ölen gurbagalary
uly üýşmekler edip ýygnadylar, ýerden
porsy ys haplap urdy. 15 Faraon bu zatlary
görüp, göwni aram tapdy. Soň ýene-de
özüniň doňýürekligini etdi. Rebbiň aý-
dyşy ýaly, ol Musa bilen Haruna gulak
asmady.

### *Üçünji betbagtçylyk: çirkeýler*

16 Soňra Reb Musa: «Haruna aýt: „Goý,
ol hasasyny alsyn-da, ýeriň tozuna urup
çyksyn, şonda tutuş Müsüriň içinde
çirkeýler peýda bolar“» diýdi. 17 Olar
şeýle hem etdiler. Harun eline hasasy-
ny alyp, ýeriň tozuna urup çykdy welin,
adamlaryň we haýwanlaryň üstüne çir-
keýler çozdy. Tutuş Müsüriň ähli tozy
çirkeýe öwrüldi. 18 Jadygöýler hem öz
gizlin usullary bilen çirkeý döretmäge

synanyşdylar, emma olar muny başar-
madylar. Şeýlelikde, çirkeýler adamlaryň
we haýwanlaryň üstünde gezişip ýördü-
ler. 19 Jadygöýler faraona: «Bu Hudaýyň
işi» diýdiler. Emma faraonyň ýüregi
doňdy we ol Rebbiň aýdyşy ýaly, olara
gulak asmady.

### *Dördünji betbagtçylyk: siňekler*

20 Soňra Reb Musa: «Irden tur-da, fa-
raonyň suwa düşmäge çykýan wagty
oňa garaş we oňa şeýle diý: „Reb şeýle
diýýär: ‘Meniň halkymy goýber. Olar
gidip, Maňa ybadat etsinler. 21 Eger sen
Meniň halkymy ýene-de goýbermeseň,
onda Men seniň üstüňe, seniň emeldar-
laryňyň we halkyňyň üstüne we seniň
öýüňe siňek sürüsini ibererin. Müsür-
lileriň öýleri siňek sürüsinden dolar,
şeýle hem, olaryň ýaşaýan ýerleri siňek
bilen gurşalar. 22 Emma şol gün Men
Öz halkymyň ýaşaýan ýeri bolan Go-
şen topragyny aýry goýjak. Ol ýerde
hiç hili siňek sürüsi bolmaz, şonda sen
Meniň bu ýurduň Rebbidigimi bilersiň.
23 Men Öz halkymy seniň halkyňdan
tapawutlandyraryn. Bu gudratly ala-
mat ertir bolar’“». 24 Reb şeýle hem etdi.
Faraonyň öýi we onuň emeldarlarynyň
öýleri güýçli siňek sürüsi bilen doldy.
Siňeklerden ýaňa tutuş Müsür ýurdy
weýran boldy.

25 Soňra faraon Musa bilen Haruny ýa-
nyna çagyrdyp, olara: «Baryň, gidiň-de,
şu ýurtda Hudaýyňyza gurbanlyk beriň»
diýdi. 26 Emma Musa: «Beýle etsek dog-
ry bolmaz. Hudaýymyz Rebbe berýän
gurbanlygymyzy müsürliler nejislik ha-
saplarlar. Eger biz müsürlilere nejislik
edip, mal gurbanlygymyzy olaryň gözü-
niň alnynda bersek, onda olar bizi daşlap
öldürmezlermi? 27 Hudaýymyz Rebbe
berjek gurbanlygymyzy biz Onuň Özüniň
buýruşy ýaly, üç günlük çöle gidip ber-
meli» diýdi. 28 Faraon oňa: «Men size
çöle gidip, Hudaýyňyz Rebbe gurbanlyk
bermäge rugsat edýärin, ýöne siz ga-
ty uzaga gitmeli dälsiňiz. Meniň üçin
Rebbe dileg edäý» diýdi. 29 Soňra Musa:
«Ine, men häzir gidip, faraondan, onuň
emeldarlaryndan we halkyndan siňek
sürüsiniň aýrylyp gitmegini sorap, Reb-
be dileg etjek. Ýöne faraon ýene-de ýalan
sözläp, halky Rebbe gurbanlyk bermäge
goýbermekden saklamawersin» diýdi.

30 Şeýlelikde, Musa faraonyň ýanyndan
gaýdyp, Rebbe dileg etdi. 31 Reb hem
Musanyň dilegini ýerine ýetirdi. Siňek
sürüsi faraondan, onuň emeldarlaryndan
we halkyndan aýrylyp ýok bolup gitdi,
ýekeje siňek hem galmady. 32 Emma fa-
raon bu gezek hem doňýürekligine galdy
we ysraýyllara gitmäge rugsat etmedi.

## 9-njy bap

### *Bäşinji betbagtçylyk: mallaryň gyrylmagy*

1 Soňra Reb Musa: «Faraonyň ýanyna
bar-da, oňa şeýle diýip aýt: „Ýewreýleriň
Hudaýy Reb şeýle diýýär: ‘Meniň hal-
kymy goýber, olar gidip, Maňa ybadat
etsinler’. 2 Eger sen olary ýene-de saklap,
goýbermekden boýun towlasaň, 3 onda
Reb meýdandaky mal-garalaryňyzy:
atlaryňyzy, eşekleriňizi, düýeleriňizi we
dowarlardyr sürüleriňizi gyrgyna berer.
4 Emma Reb ysraýyl mallary bilen Müsür
mallarynyň arasynda tapawut goýjakdyr,
ysraýyllara degişli mallaryň ýekejesi
hem ölmez“» diýdi. 5 Şeýle hem Reb
bu işi Müsürde ertir etjekdigini aýdyp,
onuň wagtyny mälim etdi. 6 Ertesi gün
Reb bu işi etdi: müsürlileriň ähli malla-
ry gyryldy, emma ysraýyl mallarynyň
ýekejesi hem ölmedi. 7 Faraon ýagdaýy

bilmäge adam ýollady, görse, ysraýyl
mallarynyň biri hem ölmändir. Emma
faraonyň ýüregi entek hem doňdy, ol
halky ýene-de goýbermedi.

### *Altynjy betbagtçylyk: çybanlar we ýaralar*

8 Soňra Reb Musa bilen Haruna: «Kü-
reden goşawujyňyzy dolduryp kül alyň.
Goý, Musa ony faraonyň öňünde göge
seçsin. 9 Ol kül tutuş Müsürde tozana
öwrüler. Tozan bolsa adamlaryň we
haýwanlaryň bedenine siňip, olarda
açyk iriňli çybanlar emele getirer» diýdi.
10 Şeýlelikde, Musa bilen Harun küreden
kül alyp, faraonyň öňünde durdular.
Musa küli howa seçdi weli, adamlarda
we haýwanlarda açyk iriňli çybanlar
emele geldi. 11 Müsür jadygöýleri bu çy-
banlardan ýaňa Musanyň ýanyna baryp
bilmediler. Çünki çybanlar jadygöýleriň
hem, ähli müsürlileriň hem üstünden
inipdi. 12 Emma Reb faraony doňýürek
etdi. Ol Rebbiň Musa aýdyşy ýaly, olara
gulak asmady.

### *Ýedinji betbagtçylyk: doly we ot*

13 Soňra Reb Musa şeýle diýdi: «Irden
tur-da, faraonyň huzuryna bar we oňa
şuny aýt: „Ýewreýleriň Hudaýy Reb şeý-
le diýýär: ‘Meniň halkymy goýber, olar
gidip, Maňa ybadat etsinler. 14 Ýogsam,
bu gezek Men seniň öz üstüňden, emel-
darlaryňyň we halkyňyň üstünden ähli
bela-beterlerimi indererin. Şonda sen
bütin ýer ýüzünde Meniň ýaly hiç kimiň
ýokdugyny bilersiň. 15 Şu wagta çenli
Men golumyň güýji bilen seni we seniň
halkyňy gyrgyna berip, köküňiz bilen
ýerden sogrup taşlap hem bilýärdim.
16 Emma Men size Öz güýjümi görkezip,
adymy tutuş dünýä jar etmek maksady
bilen sizi diri saklap ýörün. 17 Sen entek
hem Meniň halkyma garşy tekepbirlik
edip, olaryň gitmegine rugsat etmersiň.
18 Ine, ertir şu wagtlar Men Müsüriň ta-
ryhynda asla görlüp-eşidilmedik güýçli
doly ýagdyrjakdyryn. 19 Şonuň üçin hem
häziriň özünde adam ýollap, meýdan-
daky bar bolan mal-garalaryňyzy we
ähli zadyňyzy ýygnap, howpsuz ýere
getiriň. Sebäbi öýüne getirilmän, meý-
danda galan her bir adamyň we malyň
üstünden güýçli doly ýagyp, olar öler’“».
20 Faraonyň emeldarlarynyň arasynda
Rebbiň sözünden gorkýanlary meýdan-
daky gullaryny we mallaryny derrew
içeri ýygnadylar. 21 Emma Rebbiň sözüni
piňine almaýanlar özleriniň gullaryny
we mallaryny meýdanda galdyrdylar.

22 Soňra Reb Musa: «Eliňi asmana
uzat, şonda tutuş Müsüriň üstüne doly
ýagar. Müsüriň meýdanlarynda galan
adamlaryň, mallaryň we gögerip oturan
ähli ösümlikleriň üstünden doly iner»
diýdi. 23 Şundan soň, Musa hasasyny
asmana uzatdy we Reb gök gürledip
doly ýagdyrdy, ýyldyrym çakyp, ýere
ot düşdi. Şeýdip, Reb Müsürde güýçli
doly ýagdyrdy. 24 Doly ýagýarka, doly
bilen bir wagtda ýyldyrym çakyp, yzy
üzülmän ýere ot düşüp durdy. Müsürliler
millet bolaly bäri, onuň tutuş ýerinde
hiç haçan şeýle güýçli doly ýagmandy.
25 Doly tutuş Müsüriň meýdanlarynda-
ky ähli zatlary: adamlary we mallary
weýran etdi, ol her bir ekin meýdanyny
sandan çykardy. Şeýle hem, meýdanda-
ky hemme agaçlaryny syndyrdy. 26 Diňe
ysraýyllaryň ýaşaýan ýeri bolan Goşen
topragynda doly ýagmady.

27 Soňra faraon adam ýollap, Musa bi-
len Haruny çagyrtdy we olara: «Bu gezek
men günämi boýun alýan. Rebbiňki dog-
ry, meniň we halkymyň edýäni nädogry.
28 Rebbe dileg et! Gök gürrüldemesini

we doly ýagmasyny bes etsin! Men si-
zi goýberjek, ýöne siz ol ýerde uzak
galmaly dälsiňiz» diýdi. 29 Musa oňa:
«Men galadan çykyp, ellerimi Rebbe
uzatdygym, gök gürrüldisi kesiler we
dolynyň ýagmasy galar. Şonda sen bu
dünýäniň Rebbiňkidigini bilersiň. 30 Em-
ma seniň we emeldarlaryňyň entek hem
Hudaýymyz Rebden gorkmaýandykla-
ryny men bilýärin» diýdi. 31 (Zygyr we
arpa weýran boldy. Arpa gulak çykaryp
otyrdy, zygyr bolsa pyntyklapdy. 32 Em-
ma bugdaýa we ýazlyk bugdaýa zeper
ýetmändi, sebäbi olar gijräk gögerýärdi.)
33 Şeýlelikde, Musa faraonyň ýanyndan
gidip, galadan çykdy we asmana ellerini
uzadyp, Rebbe dileg etdi. Şobada gök
gürrüldisi we doly ýagmasy galdy. Ýere
ýagyş guýmasy kesildi. 34 Ýöne faraon
ýagşyň, dolynyň we gök gürrüldisiniň
kesilenini görende, ýene-de günä etdi.
Faraon we onuň emeldarlary ýene-de
doňýürekligini etdiler. 35 Şeýdip, faraon
öňküsi ýaly doňýürekligine galdy. Edil
Rebbiň Musanyň üsti bilen aýdyşy ýaly,
ol ysraýyllary goýbermedi.

## 10-njy bap

### *Sekizinji betbagtçylyk: çekirtge sürüsi*

1 Şundan soň Reb Musa: «Faraonyň
ýanyna git. Olaryň arasynda gudratly
alamatlarymy görkezmek üçin, Men fa-
raony we onuň emeldarlaryny doňýürek
etdim. 2 Sen öz nesilleriňe we nebereleri-
ňe Meniň müsürlileriň aňkasyny aşyryp,
olaryň arasynda nähili gudratly alamatlar
görkezendigimi gürrüň berersiň. Şonda
siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz» diýdi.
3 Şeýlelikde, Musa bilen Harun fara-
onyň ýanyna baryp, oňa şuny aýtdylar:
«Ýewreýleriň Hudaýy Reb şeýle diýýär:
„Meniň öňümde haçana çenli pespällik-
den boýun towlajak? Meniň halkymy
goýber, goý, olar gidip, Maňa ybadat
etsinler. 4 Eger sen Meniň halkymy goý-
bermekden ýüz öwürseň, onda Men
ertir seniň ýurduňa çekirtge ibererin.
5 Çekirtgeler ýeriň ýüzüni örterler, olar-
dan ýaňa ýeriň ýüzi görünmez. Doly
ýagandan soňky galan zatlaryňyzy we
meýdandaky ösüp oturan ähli agaçlary-
ňyzy çekirtgeler iýerler. 6 Seniň öýleriň,
ähli emeldarlaryňyň we tutuş müsürli-
leriň öýleri çekirtgeden dolar. Dünýä
ineli bäri, şu güne çenli şeýle zady siziň
ata-babalaryňyz hem gören däldir“».
Soňra Musa yzyna öwrülip, faraonyň
ýanyndan çykyp gaýtdy.
7 Faraonyň emeldarlary gelip, oňa: «Bu
adam haçana çenli bize duzak boljak-
ka? Halky goýber, goý, gidip, Hudaýy
Rebbe ybadat etsin. Müsüriň weýran
bolýandygyna sen näme entek hem dü-
şüneňokmy?» diýdiler. 8 Şeýdip, Musa
bilen Haruny yzyna, faraonyň ýanyna
çagyrdylar. Faraon olara: «Gidiň-de,
Hudaýyňyz Rebbe ybadat ediň! Ýö-
ne sizden kimler gider?» diýip sorady.
9 Musa oňa: «Biz garry-ýaşlarymyz bilen,
ogul-gyzlarymyz bilen, mal-garadyr
dowarlarymyz bilen bile gideris, sebä-
bi biz Rebbiň şanyna baýram etmeli»
diýdi. 10 Faraon olara: «Siz aýallaryňyz
we oglan-uşaklaryňyz bilen gitmäge
menden rugsat alyp bilen günüňiz, goý,
Reb sizlik bolsun! Görýäňizmi, siziň
päliňiz düzüw däl eken. 11 Ýok! Rebbe
ybadat etmäge diňe erkekleriňiz gider,
siziň öz islegiňiz hem şudy ahyryn»
diýdi. Soňra Musa bilen Harun faraonyň
huzuryndan kowuldylar.
12 Şundan soň, Reb Musa: «Eliňdäki ha-
saňy Müsür topragyna urup, çekirtgeler
çykar. Olar Müsür ýurduna çozarlar we

doly ýagandan soňky galan ähli zatlary, ähli bag-bakjalary iýerler» diýdi. 13 Şeýlelikde, Musa elindäki hasasyny Müsür topragyna urup çykdy. Reb şol gün uzakly gün we uzakly gije gündogar ýelini turuzdy. Ertesi irden bu gündogar ýeli çekirtgeler getirdi. 14 Çekirtgeler tutuş Müsür topragyna inip, tutuş ýurdy boýdan-başa eýelediler. Şeýle san-sajaksyz çekirtge sürüsi öň hiç haçan bolan däldir, indi hem bolmaz. 15 Çekirtgeler tutuş ýurduň ýüzüni örtendigi sebäpli, ýeriň üsti garalypdy. Olar ýurtdaky doly ýagandan soňky galan ähli bag-bakjalary we ähli agaçlaryň miwelerini iýdiler. Tutuş Müsür topragynda ne agaç, ne-de bag-bakja galdy, ýekeje-de ýaşyl zat galmady. 16 Faraon derrew Musa bilen Haruny çagyrdyp, olara: «Bu bolan ähli zatdan soň, men ýene-de siziň we Hudaýyňyz Rebbiň garşysyna günä etdim. 17 Şonuň üçin hem indi meniň günämi ötüň we bu nejis betbagtçylygyň menden aýrylmagyny sorap, ýene-de birje gezek Hudaýyňyz Rebbe dileg edäýiň» diýdi. 18 Şeýdip, Musa faraonyň ýanyndan gaýdyp, Rebbe dileg etdi. 19 Reb hem şemaly günbatardan örän güýçli öwüsýän ýele öwrüp, çekirtgeleri syryp-süpürip, Gyzyl deňze [a] getirip taşlady. Tutuş Müsür ýurdunda ýekeje-de çekirtge galmady. 20 Emma Reb faraony ýene-de doňýürek etdi, ol ysraýyllary goýbermedi.

### *Dokuzynjy betbagtçylyk: garaňkylyk*

21 Şundan soň Reb Musa: «Eliňdäki hasaňy asmana uzat, şonda Müsür ýurduna garaňky düşüp, ony tümlük gaplap alar» diýdi. 22 Şeýdip, Musa elindäki hasasyny asmana uzatdy we tutuş Müsür ýurdy üç günläp garaňka gaplandy. 23 Olar hatda bir-birlerini hem görüp bilmediler. Üç günläp olaryň hiç biri hiç ýere gozganyp hem bilmedi, emma ähli ysraýyllaryň ýaşaýan ýerinde ýagtylyk boldy. 24 Soň faraon Musany ýanyna çagyrdyp, oňa: «Baryň, gidip, Rebbe ybadat ediň. Çagalaryňyz hem siziň bilen gidibersin, ýöne diňe sygyrlaryňyz bilen dowarlaryňyz bärde galsyn» diýdi. 25 Emma Musa: «Sen Hudaýymyz Rebbe mal-garalarymyz bilen sadakalarymyzdyr ýakma gurbanlyklarymyzy bermäge-de rugsat etmelisiň. 26 Biz mal-garalarymyzy hökman özümiz bilen alyp gitmeli, bärde ýekeje-de toýnakly galmaz. Biz olary Hudaýymyz Rebbe ybadat etmek üçin äkitmeli. Ol ýere baryp ýetýänçäk, biz Rebbe näme bilen ybadat etmelidigini bilemzok» diýdi. 27 Emma Reb faraony doňýürek etdi, ol ysraýyllara gitmäge rugsat etmedi. 28 Soňra faraon Musa jogap berip: «Gümüňi çek şu ýerden. Özüňden habardar bol! Gaýdyp meniň gözüme görünme. Çünki meniň gözüme görnen günüň, şol pursatda ölersiň» diýdi. 29 Musa hem oňa: «Aýdyşyň ýaly bolar! Men indi hiç haçan seniň gözüňe görünmerin» diýdi.

## 11-nji bap

### *Iň soňky betbagtçylyk jar edilýär*

1 Reb Musa ýene-de: «Faraonyň we Müsüriň üstünden ýene bir betbagtçylyk indererin. Şondan soň faraon size ol ýerden gitmäge rugsat eder. Ol sizi goýberende, öz ýurdundan büs-bütin kowup çykarar. 2 Indi bolsa halka eşitdirip aýt, goý, her bir erkek we her bir aýal öz müsürli goňşusyndan altyn-kümüşden ýasalan şaý-sepler dilesin» diýdi. 3 Reb

[a] **10:19** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

müsürlilere ysraýyllary sylar ýaly edipdi.
Mundan başga-da, Müsür topragynda,
faraonyň emeldarlarynyň we halkynyň
öňünde Musa beýik adam bolupdy.
4Musa faraona şeýle diýdi: «Reb şeýle
diýýär: „Men ýary gije töweregi Müsüriň
içine aýlanyp çykaryn. 5Şonda ähli mü-
sürlileriň nowbahar ogullary öler. Tagtda
oturan faraonyň nowbahar oglundan baş-
lap, tä degirmen üwäp oturan hyzmatkär
aýalyň nowbahar ogluna çenli öler. Ähli
mallaryň hem ilkinji doglanlary öler.
6Tutuş Müsür ýurdunda uly ses bilen
perýat ediler. Şeýle agy sesi öň hiç haçan
bolan däldir, indi hem bolmaz. 7Emma
ysraýyllaryň ýekeje adamyna-da, ma-
lyna-da zelel ýetmez, hatda olara it hem
üýrmez. Şonda siz Men Rebbiň müsürli-
ler bilen ysraýyllaryň arasynda tapawut
goýýandygymy bilersiňiz“». 8Musa sö-
züni dowam edip, faraona: «Seniň ähli
emeldarlaryň huzuryma gelip, maňa
baş egerler we maňa: „Seniň özüň hem,
yzyňa düşýän ähli halk hem gidewersin“
diýerler. Şundan soň men giderin» diýdi.
Şeýdip, Musa gahar-gazaba münüp, fara-
onyň ýanyndan çykyp gaýtdy.
9Soňra Reb Musa: «Faraon seni diň-
lemez. Müsürde Meniň gudratlarym
köpeler» diýdi. 10Musa bilen Harun
faraonyň öňünde bu gudratlaryň hemme-
sini ýerine ýetirdiler. Reb faraony ýene
doňýürek etdi, ol ýurdundan ysraýyllary
goýbermedi.

## 12-nji bap

### *Pesah baýramy*

1Reb Müsürde Musa bilen Haruna
şeýle diýdi: 2«Bu aý siziň üçin aýlaryň
başlangyjy bolar. Siziň üçin bu aý ýylyň
ilkinji aýy[a] bolar. 3Ysraýyl halkyna aýt,
goý, şu aýyň onunjy güni her bir maş-
galabaşy öz hojalygy üçin soýmaga bir
janly saýlap alsyn. 4Eger bir hojalyk bir
janlyny iýerden kiçi bolsa, onda olar
özleriniň iň ýakyn goňşusy bilen bile-
likde, hersiniň maşgala agzalaryna görä
bir janlyny öz aralarynda paýlaşsynlar.
5Janlyňyz hiç hili şikessiz bolmalydyr.
Muňa siz birýaşar tokly ýa-da birýaşar
çebiş saýlap bilersiňiz. 6Siz ony şu aýyň
on dördi gününe çenli saklaň we şol gün
gije bütin ysraýyl jemagatynyň hersi öz
saýlap goýan janlysyny soýup öldürer.
7Soňra olar janlynyň ganyndan alyp,
onuň eti iýiljek öýleriň gapylarynyň
ikiýan söýesine hem-de üstki söýesine
çalsynlar. 8Olar şol gije janlynyň etini
otda kebap edip, petir we ajy gök otlar
bilen iýsinler. 9Onuň etini bişirmän,
çigligine ýa-da suwda gaýnadyp iýmäň.
Ony diňe tutuşlygyna kellebaşaýagy
we içgoşlary bilen birlikde otda kebap
edip iýiň. 10Daňdana çenli ondan hiç
zat galdyrman iýiň. Eger ertire çenli
iýilmän artyp galsa, şol galan-gaçan-
lary otda ýakyň. 11Siz ony şu ýagdaýda
iýmelisiňiz: ýol geýimiňiz egniňize,
çarygyňyz aýagyňyza geýlen bolsun,
hasaňyz eliňizde bolsun. Şeýle hem, siz
ony çaltlyk bilen iýmelisiňiz. Bu Rebbiň
Pesahydyr. 12Şol gije Men Müsüriň içi-
ne aýlanyp, müsürlileriň ähli nowbahar
ogullaryny, adamlaryndan tä mallaryna
çenli ilkinji doglan erkeklerini öldürerin.
Men Müsüriň ähli hudaýlarynyň üstün-
den höküm çykararyn. Men Rebdirin.
13Bolýan öýleriňiziň gapysyna çalnan
gan siziň üçin nyşan bolar. Men ol gany

[a] **12:2** Ýewreýleriň senenamasy boýunça ýylyň ilkinji aýy takmynan aprel aýyna gabat gelýär. Seret: Msr 13:4.

görenimde, siziň üstüňizden sowlup ge-
çerin. Men Müsüri jezalandyranymda,
hiç hili betbagtlyk sizi weýran etmez.
14 Bu gün siz üçin ýatlama güni bolar.
Siz muny Meniň şanyma baýram edip
bellärsiňiz. Soň siz bu baýramy nesilme-
-nesil ebedilik düzgün edip saklarsyňyz.
15 Ýedi günläp siz petir iýmelisiňiz. Şu
ýedi günüň ilkinji gününde, siz öýleri-
ňizden hamyrmaýalary çykaryp taşlaň.
Kimde-kim birinji günden tä ýedinji
güne çenli aralykda hamyrmaýa goşulan
zatdan iýse, onda ol ysraýyllaryň arasyn-
dan kowlup çykarylsyn. 16 Birinji günde
we ýedinji günde siz mukaddes ýygnany-
şyk etmelisiňiz. Şol günler ýekeje iş hem
edilmeli däldir, diňe öz iýjek zatlaryňyzy
taýýarlaň. 17 Şeýle hem, siz Petir baý-
ramyny-da bellemelisiňiz, sebäbi Men
sizi Müsürden topar-topar edip, hut şol
gün alyp çykdym. Şonuň üçin hem siz
bu güni nesilme-nesil ebedilik düzgün
edip saklamalysyňyz. 18 Ilkinji aýyň on
dördi güni agşamyndan tä şol aýyň ýig-
rimi biri güni agşamyna çenli siz petir
iýmelisiňiz. 19 Şu ýedi günüň dowamyn-
da öýleriňizde ýekeje-de hamyrmaýa
bolmasyn. Kimde-kim hamyrmaýaly
zat iýse, ol gelmişek ýa-da ýerli bolsun,
ysraýyl halkynyň arasyndan kowlup
çykarylsyn. 20 Siz hamyrmaýaly hiç zat
iýmeli dälsiňiz. Ýaşap oturan ähli ýer-
leriňizde diňe petir iýmelisiňiz».
21 Soňra Musa ähli ysraýyl ýaşululary-
ny çagyryp, olara şeýle diýdi: «Heriňiz
maşgalaňyza görä özüňize janly saýlaň
we ony Pesah baýramy üçin soýuň. 22 Bir
bogdak käkilik otuny alyp, ony jamda-
ky janlynyň ganyna batyryp, gapynyň
üstki söýesine we ikiýan söýesine çalyň.
Daňdana çenli hiç kim öz öýüniň gapy-
syndan daşary çykmaly däldir. 23 Reb
müsürlileri birýandan öldürip çykar.
Gapynyň üstki we ikiýan söýesindäki
gany görende, Reb ol gapydan sowlup
geçer we janyňyzy almak üçin öýle-
riňize girmäge Ölüm perişdesi rugsat
etmez. 24 Siziň özüňiz we ogullaryňyz
bu baýramy ebedilik parz hökmünde
bellemelisiňiz. 25 Rebbiň size wada beren
ýurduna baranyňyzda, siz bu baýram-
çylygy bellemelisiňiz. 26 Çagalaryňyz
sizden: „Bu baýram nämäni aňladýar?“
diýip soranlarynda, 27 siz olara: „Bu
Rebbe berilýän Pesah gurbanlygydyr.
Müsürde Reb müsürlileri öldürende,
ysraýyllaryň öýleriniň üstünden sowlup
geçdi, biziň janymyzy aman galdyrdy“
diýip jogap beriň». Muňa ysraýyllar
başlaryny egip, sežde etdiler.
28 Soňra ysraýyllar baryp, edil Rebbiň
Musa bilen Haruna buýruşy ýaly etdiler.

### *Soňky betbagtçylyk: ilkinji erkek doglanlaryň ölümi*

29 Ýary gije Reb Müsüriň ähli nowbahar
ogullaryny öldürip çykdy. Tagtda oturan
faraonyň nowbahar oglundan başlap,
zyndanda oturan bendiniň nowbahar
ogluna çenli öldürdi, şeýle-de, mallaryň
hem ähli ilkinji guzlanlaryny öldürdi.
30 Gije faraonyň özi, onuň ähli emeldar-
lary, garaz, tutuş müsürliler ýerlerinden
turdular. Müsürde uly dady-perýat boldy,
çünki olaryň arasynda ölüsi bolmadyk
ýekeje-de öý ýokdy. 31 Faraon şol gijäniň
özünde Musa bilen Haruny çagyrdyp,
olara: «Baryň, gidiň, meniň halkymyň
arasyndan çykyň. Özüňizem halkyňyz
bilen bile gidiň-de, öz aýdyşyňyz ýaly,
Rebbe ybadat ediň. 32 Öz soraýşyňyz
ýaly, mallaryňyzdyr dowarlaryňyzy
hem ýanyňyz bilen alyp gidiň. Maňa
ak pata beriň!» diýdi. 33 Müsürliler öz
ýurdundan ysraýyllary çalt çykarmak
üçin gyssaýardylar. Sebäbi olar: «Biziň

hemmämiz öleris» diýişýärdiler. 34 Şeý-
lelikde, ysraýyllar petirlik hamyrlaryny
kendirige dolap, ony hamyr jamlara
salyp, eginlerinde göterip gaýtdylar.
35 Ysraýyllar edil Musanyň özlerine aý-
dyşy ýaly etdiler. Olar müsürlilerden
altyn-kümüşden ýasalan şaý-sepler, şeý-
le hem, geýim-gejimler soradylar. 36 Reb
hem müsürlilere ysraýyllary sylar ýaly
edipdi. Olar ysraýyllaryň soran zatlaryny
berdiler. Şeýdip, ysraýyllar müsürlileriň
baýlygyny talap gaýtdylar.

### *Ysraýyllar Müsürden çykyp gaýdýarlar*

37 Şeýlelik bilen, ysraýyllar Ragme-
sesden Sukoda tarap ýola düşdüler. Olar
aýallardan we çagalardan başga alty ýüz
müň töweregi pyýada erkek adamdy.
38 Müsürlilerden hem bir topar märeke,
şeýle hem, gaty köp mal-gara: sygyrlar
we dowarlar ysraýyllara goşulyp gaýt-
dy. 39 Ysraýyllar Müsürden alyp gaýdan
hamyrlaryndan petir kökeler bişirdiler.
Hamyr petirlikdi, sebäbi olar Müsürden
gyssanmaç kowlup çykarylypdylar. Olar
hatda özlerine ýol üçin azyk-owkat hem
taýýarlap ýetişmändiler. 40 Ysraýyllar
Müsürde dört ýüz otuz ýyl ýaşadylar.
41 Dört ýüz otuzynjy ýylyň soňky güni,
hut şol güni, Rebbiň halky topar-topar
bolup, Müsürden çykdy. 42 Bu gije Rebbiň
ysraýyllara nazar salyp, olary Müsürden
alyp çykan gijesidir. Şonuň üçin hem
hut şu gije ähli ysraýyllaryň we olaryň
nesilleriniň dik oturyp, muny Rebbe
bagyş edýän gijesidir.

### *Pesah baýramynyň düzgünleri*

43 Soňra Reb Musa bilen Haruna şeýle
diýdi: «Pesahyň düzgünleri şudur: Ýeke
gelmişek-de gurbanlykdan iýmeli däldir.
44 Emma pula satyn alan guluňyz sünnet
edilenden soň ondan iýip biler. 45 Ýekeje
gelmişek ýa-da günlükçi ondan iýme-
li däldir. 46 Ony bir jaýda oturyp iýiň.
Ondan birje bölek eti hem öýden daşa
çykarmaly dälsiňiz. Şeýle hem, janlynyň
ýekeje süňki-de döwülmesin. 47 Ähli
ysraýyl halky bu baýramy bellemelidir.
48 Eger bir gelmişek gelip, siziň araňyz-
da ornaşyp, Rebbiň Pesahyny bellemek
islese, onda, goý, onuň hojalygyndaky
ähli erkekler sünnet edilsin. Şundan soň
ol size goşulyp, muny belläp biler we ol
siziň öz ýerli halkyňyza degişli adam
hasap ediler. Emma sünnet edilmedik
hiç bir adama ondan iýmek bolmaz.
49 Ýerli adam üçin hem, araňyzda ýaşa-
ýan her bir gelmişek üçin hem ýeke-täk
bir kanun bolmalydyr». 50 Ysraýyllaryň
hemmesi ähli zady edil Rebbiň Musa
bilen Haruna buýruşy ýaly etdiler. 51 Hut
şol gün Reb ysraýyllary topar-topar edip,
Müsürden çykardy.

## 13-nji bap

1-2 Soňra Reb Musa: «Ilkinji doglan
ähli erkek göbeklileri Maňa bagyş ediň.
Ysraýyllaryň göwresinden ilkinji dün-
ýä inen her bir ogul, şeýle hem, olaryň
mallarynyň hem ilkinji erkek guzlany
Meniňkidir» diýdi.

### *Petir baýramy*

3 Musa halka şeýle diýdi: «Bu güni
ýatda saklaň, çünki siz bu gün gul bolup
ýaşan ýurduňyz Müsürden çykdyňyz.
Ol ýerden Reb sizi Özüniň beýik güýji
bilen alyp çykdy. Hamyrmaýaly çörek
iýilmeli däldir. 4 Bu gün siz Müsürden
Abyp aýynda çykýarsyňyz. 5 Reb siziň
ata-babalaryňyza söz beren süýt we bal
akýan mes toprakly ýurt bolan kengan-
laryň, hetleriň, amorlaryň, hiwileriň we
ýabuslaryň ýurduna getiren wagty hem

siz şu aýda bu baýramy bellärsiňiz. 6 Siz
ýedi günläp petir iýmelisiňiz we ýedinji
güni siz Rebbiň şanyna toý edersiňiz.
7 Şol ýedi günüň dowamynda diňe pe-
tir iýiň. Siziň ýaşaýan ähli ýerleriňizde
ýekeje-de hamyrmaýaly bişirilen çörek
bolmasyn. 8 Ýedilenji gün bolsa oglu-
ňa: „Men bulary Müsürden çykanymda
Rebbiň maňa edenleriniň hatyrasy üçin
şeýle edýärin“ diýip gürrüň ber. 9 Goý,
bu baýram eliňize baglanan ýaly ýa-da
maňlaýyňyza daňlan ýaly bir ýatlama
alamaty bolsun. Bu bolsa Rebbiň kanu-
nynyň elmydama diliňizde bolmagyny
ýatladar, çünki Reb sizi gudratly goly
bilen Müsürden alyp çykdy. 10 Şonuň üçin
hem siz her ýyl şol bir belli wagtda bu
kanuny ýerine ýetirmelisiňiz».

### *Ilkinji doglan erkekler hakynda*

11 «Reb size we ata-babalaryňyza söz
berşi ýaly, sizi kenganlaryň ýerine geti-
rip, ony size berende, 12 siz ilkinji doglan
her bir erkek göbeklini Rebbiň huzuryna
getirmelisiňiz. Mallaryňyzyň ähli ilkinji
erkek doglanlary Rebbiňkidir. 13 Her bir
eşegiňiziň kürrelän kürresini guzyňyz
bilen çalşyp, yzyna satyn alyň. Eger
yzyna satyn almasaňyz, onda onuň boý-
nuny omruň. Çagalaryňyzyň arasynda
her bir nowbahar ogluňyzy yzyna satyn
alyň. 14 Her haçan ogluň senden munuň
nämäni aňladýandygyny soranda, oňa
şeýle diý: „Reb Öz gudratly goly bilen
bizi gul bolup ýaşan ýurdumyz Müsür-
den alyp çykdy. 15 Faraon doňýüreklik
edip, bizi goýbermekden ýüz öwreni
üçin, Reb Müsüriň ähli ilkinji doglan
ynsan ogullaryndan başlap, tä mallaryň
ilkinji dogran erkek jynslylaryna çenli
öldürip çykdy. Şonuň üçin hem ilkin-
ji doglan ähli erkek jynslylary Rebbe
gurban edýärin, ýöne nowbahar oglumy
yzyna satyn alyp bilýärin“. 16 Reb bizi
Öz gudratly güýji bilen Müsürden alyp
çykandygy üçin, bu baýram eliňize bag-
lanan ýaly ýa-da maňlaýyňyza daňlan
ýaly bir belgi bolsun».

### *Reb ysraýyllara ýol görkezýär*

17 Faraon halky goýberende, Hudaý
olary piliştlileriň üstünden geçýän ýakyn
ýol bilen alyp gitmedi. Çünki Hudaý bu
halk ýolda urşa duçar bolaýsa, puşman
edip, yzyna Müsüre dolanar öýtdi. 18 Şeý-
dip, Hudaý ysraýyllary Gyzyl deňze
gidýän çöllükden alyp gitdi. Ysraýyllar
Müsürden urşa taýýar bolup, ýaragly
çykypdylar. 19 Musa Ýusubyň süňklerini
özi bilen aldy, sebäbi Ýusup ysraýyllara:
«Hudaý size nazar salar, şonda siz bu ýer-
den meniň süňklerimi hem öz ýanyňyz
bilen alyp gidiň» diýip, olara ant içiripdi.
20 Ysraýyllar Sukotdan çykyp, çölüň çe-
tindäki Etamda düşlediler. 21 Reb olaryň
öňünden ýol görkezip, gündizine bulut
sütüni bolup, gijesine bolsa ot sütüni
bolup, olaryň ýollaryny ýagtyldýardy.
Şonda olar gündiz hem, gije hem ýol
ýöräp bilýärdiler. 22 Gündizine bulut
sütüni, gijesine bolsa ot sütüni halkyň
öňünden asla uzaklaşmaýardy.

## 14-nji bap

### *Ysraýyllaryň Gyzyl deňizden geçişi*

1-2 Ine, şonda Reb Musa: «Ysraýyllara
aýt, goý, olar yzyna öwrülip, deňziň
gyrasyndaky Bagalsepona golaý ýerde,
Migdol bilen deňziň arasyndaky Piha-
hyrotda düşlesinler. 3 Faraon: „Ysraýyllar
çölde azaşyp ýörendirler“ diýip pikir
eder. 4 Men faraony doňýürek ederin,
ol ysraýyllaryň yzyndan kowalap gaý-
dar. Faraonyň we onuň goşunyny ýeňip
gazanjak ýeňşim Maňa şöhrat getirer.

Şonda müsürliler Meniň Rebdigimi biler-
ler» diýdi. Ysraýyllar özlerine aýdylyşy
ýaly etdiler.
5 Müsür patyşasyna ysraýyllaryň ga-
çandyklary barada aýdanlarynda, ol we
onuň emeldarlary ysraýyllar hakdaky
pikirlerini üýtgetdiler. Olar: «Ysraýylla-
ry özümize gul bolmakdan boşadyp, bu
biziň näme etdigimiz boldy?» diýişdiler.
6 Şeýlelikde, faraon söweş arabasyna
atlanyp, goşunyny hem öz ýany bilen
alyp ugrady. 7 Ol alty ýüz sany iň saýla-
ma söweş arabalaryny we Müsüriň ähli
beýleki söweş arabalaryny aldy. Olaryň
hersiniň öz onbaşysy bardy. 8 Reb Müsür
şasy faraony doňýürek etdi. Ol Rebbiň
goragy astynda gaýdan ysraýyllaryň
yzyndan kowalap gaýtdy. 9 Faraonyň
ähli söweş arabalary, olaryň üstündä-
ki esgerleri bilen birlikde tutuş pyýada
goşun bolup, müsürliler olaryň yzyndan
kowdular. Olar deňziň kenarynda, Ba-
galseponyň golaýyndaky Pihahyrotda
düşlän ysraýyllaryň yzyndan kowup,
olara golaý geldiler.
10 Faraon olara ýakyn gelende, ine, bir-
denkä öz yzlaryndan müsürlileriň kowup
gelýändiklerine ysraýyllaryň gözi düşdi.
Olar gaty gorkdular we Rebbe perýat
etdiler. 11 Ysraýyllar Musa: «Müsürde
näme gabyr ýokmudy? Sen biziň çölde
ölmegimiz üçin alyp gaýtdyňmy? Bizi
Müsürden çykaryp, bu näme etdigiň
boldy? 12 Biz saňa Müsürde: „Bizi öz
günümize goý, biz müsürlilere hyzmat
edibereli“ diýip aýtmanmydyk? Biz çöl-
de ölenimizden, müsürlileriň guly bolup
ýören bolsak, müň paý gowy bolardy»
diýdiler. 13 Musa ysraýyllara: «Gorkmaň!
Berk duruň we Rebbiň bu gün siziň üçin
amala aşyrjak gutulyşyny görüň. Çün-
ki siz bu günki görýän müsürlileriňizi
gaýdyp hiç haçan görmersiňiz. 14 Siziň
üçin Reb söweşer. Siz diňe bu ýerde
bolsaňyz bolýar» diýdi.
15 Reb Musa: «Näme üçin sen Maňa
perýat edýärsiň? Ysraýyllara aýt, goý,
olar öňe tarap gitsinler. 16 Sen eliňdä-
ki hasaňy uzat-da, deňziň suwuna ur.
Deňziň suwy ikä bölüner we ysraýyl-
lar şol gury ýer bilen ýöräp, deňizden
geçerler. 17 Men müsürlileri doňýürek
ederin, şeýdip, olar siziň yzyňyzdan
kowup gaýdarlar. Faraonyň, onuň bütin
goşunynyň, söweş arabalarynyň we sö-
weş arabaly esgerleriniň üsti bilen Men
şöhrat gazanaryn. 18 Men faraonyň, onuň
söweş arabalarynyň we söweş arabaly
esgerleriniň üstünden şöhrat gazana-
nymda, müsürliler Meniň Rebdigimi
bilerler» diýdi.
19 Şundan soň, Ysraýyl goşunynyň
öňünden ýöreýän Hudaýyň perişdesi
olaryň yzyna geçdi. Olaryň öňünden
süýşüp barýan bulut sütüni hem olaryň
arka tarapyna geçip, 20 Müsür goşuny
bilen Ysraýyl goşunynyň arasyna gelip
durdy. Bulut gije ysraýyllar tarapyny
ýagty, müsürliler tarapyny bolsa garaňky
etdi. Şeýdip, bütin gije bular biri-biriniň
golaýyna baryp bilmediler.
21 Soňra Musa elindäki hasasyny deňze
ýetirdi. Reb bolsa şol bütin gije güýç-
li gündogar ýeli bilen deňziň suwuny
kowdy. Deňiz gury ýere öwrülip, suw
ikä bölündi. 22 Ysraýyllar hem deňziň
ortasyndaky şol gury ýer bilen geçdiler,
suw sag tarapdan we çep tarapdan olara
diwar bolup durdy. 23 Müsürliler olary
yzarlap gelýärdiler, faraonyň ähli atlary,
onuň söweş arabalary we söweş arabaly
esgerleri olaryň yzyndan kowup, deň-
ziň ortasyna girdiler. 24 Daň atmazdan
öň Reb ot we bulut sütüniniň içinden
aşak, Müsür goşunyna tarap seretdi we
olary aljyraňňy ýagdaýa saldy. 25 Reb

olaryň söweş arabalarynyň tigirlerini
batga batyrdy, şonuň üçin hem, olara
arabalaryny sürmek gaty kyn düşdi.
Şonda müsürliler: «Ýörüň, ysraýyllardan
gaçalyň, çünki Müsüriň garşysyna olar
üçin Reb söweşýär» diýdiler.
26 Soňra Reb Musa: «Eliňi deňze ta-
rap uzat, goý, suw müsürlileriň, olaryň
söweş arabalarynyň we söweş araba-
ly esgerleriniň üstünden basyp, yzyna
öwrülsin» diýdi. 27 Şeýdip, Musa elini
deňze tarap uzatdy welin, daňdan deňziň
suwy öňki akymyna öwrüldi. Müsürli-
ler ondan gaçyp çykmaga dyrjaşdylar,
emma Reb müsürlileri deňziň ortasyna
eltip taşlady. 28 Suw yzyna dolup, ysra-
ýyllaryň yzyndan deňze giren söweş
arabalaryň, söweş arabaly esgerleriň,
faraonyň tutuş goşunynyň üstüni basyp
örtdi. Olaryň ýekejesi hem diri galmady.
29 Emma ysraýyllar deňizden gury ýer
bilen geçdiler, suw olara sag we çep
tarapdan diwar bolup durdy.
30 Şeýlelikde, Reb şol gün ysraýyllary
müsürlileriň elinden halas etdi. Ysra-
ýyllar deňziň kenarynda ölüp ýatan
müsürlileri gördüler. 31 Rebbiň müsür-
lilere garşy görkezen beýik gudratyny
görüp, ysraýyllar Rebden gorkdular. Olar
Rebbe we onuň guly Musa iman etdiler.

**15-nji bap**

***Musanyň aýdymy***

1 Soňra Musa bilen ysraýyllar Rebbe
bagyşlap, şu nagmany aýtdylar:

«Men Rebbe nagma aýdaryn.
Ol şöhratly ýeňiş gazandy.
Aty çapyksuwary bilen deňze
gapgardy.

2 Reb meniň güýjüm hem
aýdymym.
Ol meniň Halasgärim boldy.
Ol meniň Hudaýym, Ony
alkyşlaryn.
Ol atamyň Hudaýy, Ony
beýgelderin.

3 Reb esgerdir.
Onuň ady Rebdir.

4 Faraonyň söweş arabalaryny
ähli goşuny bilen deňze zyňdy.
Saýlama urşujylary-da
Gyzyl deňizde gark boldy.

5 Olary tolkunlar gaplap,
daş kimin çuň düýbe çökdüler.
6 Ýa Reb, Seniň sag goluň
güýç-gudratda şöhratlydyr.
Ýa Reb, Seniň sag goluň
duşmany mynjyradýar.

7 Özüňe garşy çykanlary
beýik ýeňşiň bilen çökerýäň.
Alawly gazabyňy inderip,
olary saman dek ýakýaň.

8 Haýbatly demiňden,
suw dik ýokary galdy.
Tolkunlar diwar ýaly bolup,
çuň deňziň düýbi daş dek
gatady.

9 Duşman diýdi:
„Kowalaryn, yzlaryndan ýeterin.
Oljasyny bölüp, teşneligimi
gandyraryn.
Gylyjymy ýalaňaçlap, olary ýok
ederin“.

10 Üflän ötgür demiňden,
deňiz olary gaplady.
Olar gurşun kimin
äpet suwa çökdüler.

[11] Eý, Rebbim, hudaýlaryň arasynda
heý-de Seň ýalysy barmydyr?
Kim mukaddeslikde Seniň ýaly
beýik!
Geň gudratlaryňdan gorkup,
halk Seni şöhratlar.

[12] Sag goluňy uzadanyňda,
olary ýer ýuwutdy.

[13] Sadyk söýgiň bilen
azat eden halkyňa baş bolduň.
Beýik güýjüň bilen olara
Mukaddes mekanyňa ýol
görkezdiň.
[14] Milletler eşidende sandyraşýarlar.
Piliştlileriň ýüregi ýarylara
gelýär.

[15] Edomyň beglerini gorky basýar.
Mowabyň serdarlaryny ysytma
tutýar.
Kenganyň ilaty dowla düşýär.

[16] Seniň goluň gudratyndan,
olaryň üstüne howp we gorky
inýär.
Öz azat eden halkyň geçip bolýança,
olar daş kimin doňýarlar.

[17] Sen halkyňy getirip,
Öz dagyňda oturdarsyň.
Ýa Reb, bu ýeri Öz öýüň üçin
saýlarsyň.
Ýa Reb, mukaddes öýi Özüň
bina edersiň.
[18] Reb hemişelik we baky höküm
sürer».

[19] Faraonyň atlary, söweş arabalary
we söweş arabaly esgerleri bilen deňze
girende, Reb deňziň suwuny yzyna gaý-
taryp, olaryň üstünden inderdi. Emma
ysraýyllar deňziň ortasyndan gury ýer
bilen geçdiler. [20] Soňra Harunyň aýal do-
gany Merýem pygamber eline depregini
aldy. Hemme aýallar hem depreklerini
çalyp, tans edip, onuň yzyna düşdüler.
[21] Merýem olara şu aýdymy aýtdy:
«Rebbe nagma aýdyň.
Ol şöhratly ýeňiş gazandy.
Aty çapyksuwary bilen deňze
gapgardy».

### *Ajy suw*

[22] Şundan soň Musa ysraýyllara baş
bolup, olary Gyzyl deňizden alyp, Şur
çölüne gaýtdy. Çölde olar üç gün ýö-
rediler, emma suw tapmadylar. [23] Mara
gelenlerinde, olar Maranyň suwundan
içip bilmediler. Sebäbi ol ajydy. Şol
sebäpli ony Mara [a] diýip atlandyrdylar.
[24] Adamlar Musa: «Biz indi näme içeli?»
diýşip hüňürdeşdiler. [25] Musa Rebbe
perýat etdi. Reb oňa agaç bölegini gör-
kezdi. Ol ony suwa taşlady welin, suw
süýji suwa öwrüldi. Şol ýerde Reb olar
üçin parzlar we hökümler berip, olary
synady. [26] Reb şeýle diýdi: «Eger-de
siz Hudaýyňyz Rebbiň sözüne dykgat
bilen gulak goýup, Onuň nazarynda
dogry hasap edýän işlerini etseňiz, Onuň
buýruklaryna boýun bolup, buýran äh-
li parzlaryny ýerine ýetirseňiz, onda
Men müsürlileriň başyndan inderen
apatlarymyň hiç birini siziň başyňyza
salmaryn. Çünki Men size şypa berýän
Rebdirin».
[27] Soňra olar Eýlime geldiler. Ol ýer-
de on iki sany suwly çeşme we ýetmiş
sany palma agajy bardy. Olar suwuň
başynda düşlediler.

---

[a] **15:23** ***Mara*** – bu söz *ajy* diýmegi aňladýar.

## 16-njy bap

### *Manna we bedeneler*

[1]Ähli ysraýyl halky Eýlimden çykyp
gaýtdy. Müsürden çykanlaryndan soň,
olar ikinji aýyň on bäşi güni Eýlim bi-
len Sinaýyň aralygynda ýerleşýän Sin
çölüne geldiler. [2]Çölde ähli ysraýyl hal-
ky Musa we Haruna igenmäge başlady.
[3]Olar şeýle diýdiler: «Biz Rebbiň elinden
Müsürde ölen bolsak gowy bolardy. Biz
ol ýerde etli gazanlar ataryp, doýýan-
çak nahar iýerdik. Siz bolsa bu tutuş
jemagaty açlykdan öldürmek üçin çöle
getiripsiňiz».
[4]Reb Musa: «Ine, Men size gökden
çörek ýagdyrjak. Adamlar her gün gün-
delik paýyny ýygnamaga çykarlar. Men
olary şeýle synap, Meniň kanunym bo-
ýunça ýörejegini ýa ýöremejegini bilerin.
[5]Altynjy gün olar gündelik ýygnaýan
paýy bilen deňeşdirende iki esse köp
ýygnap, iki günlügini taýýarlap goý-
sunlar» diýdi. [6]Şeýlelikde, Musa bilen
Harun ähli ysraýyllara ýüzlenip: «Ag-
şam siz özüňizi Müsürden alyp çykanyň
Rebdigini bilersiňiz. [7]Irden bolsa siz
Rebbiň şöhratyny görersiňiz, sebäbi Reb
siziň Özüne garşy edýän zeýrençleriňizi
eşitdi. Bizden nalar ýaly, biz kim bolup-
dyrys?» diýdiler. [8]Musa ýene-de: «Reb
size agşamyna iýmäge et, ertirine bolsa
doýýançaňyz çörek berer. Sebäbi Reb
siziň Oňa garşy edýän şikaýatlaryňyzy
eşitdi. Biz kim? Siziň igençleriňiz bize
däl-de, Rebbe garşydyr» diýdi.
[9]Musa Haruna: «Bütin ysraýyl hal-
kyna aýt: „Indi olar Rebbiň huzuryna
gelsinler, çünki Reb olaryň nalasyny
eşitdi“» diýdi. [10]Harun tutuş ysraýyl
halkyna ýüzlenip geplän badyna, olar
çölde buludyň içinde peýda bolan Rebbiň
şöhratyny gördüler. [11]Reb Musa şeýle
diýdi: [12]«Men ysraýyllaryň nalyşyny
eşitdim. Olara aýt: agşamyna et iýersi-
ňiz, ertirine bolsa çörekden doýarsyňyz.
Şonda siz Hudaýyňyz Rebbiň Mendigimi
bilersiňiz».
[13]Agşam bedeneler uçup gelip, düşel-
gäni bürediler. Ir ertir bolsa, düşelgäniň
töweregine çyg düşdi. [14]Çyg sowlanda,
çölüň ýüzünde gyrawa meňzeş maýda
inçe patrak ýaly zat galdy. [15]Ysraýyllar
muny görende, biri-birlerinden: «Bu
näme?» diýşip soradylar. Çünki olar
munuň nämedigini bilmeýärdiler. Musa
olara: «Bu size Rebbiň iýmäge beren
çöregi. [16]Rebbiň buýrugy şudur: her
biriňiz ondan öz iýip biljegiňizi ýygnaň.
Düşelgäňizdäki adam sanyna görä, her
jan başyna bir omer [a] ýygyp alarsyňyz»
diýdi. [17]Ysraýyllar şeýle hem etdiler.
Olaryň käbiri köpräk, käbiri azrak ýyg-
nady. [18]Emma bir omer ölçegi bilen
ölçänlerinde, köp ýygnanyňkydan art-
mady, az ýygnanyňky-da kem çykmady.
Her kim öz iýip biljegini ýygnan eken.
[19]Musa olara: «Ýekeje adam hem ondan
ertire hiç zat galdyrmaly däldir» diýdi.
[20]Emma olar Musa gulak asmadylar.
Ýygnanlaryndan birazragy ertire galdy.
Ol bolsa gurtlap porsapdyr. Musanyň
olara gaty gahary geldi. [21]Her gün er-
tirine her kim bu berilýän çörekden öz
iýip biljegini ýygnady. Gün gyzyp, yssy
düşende, ol eredi.
[22]Altynjy güni olar adam başyna iki
esseden, ýagny iki omer möçberinde
ýygnadylar. Halkyň ähli ýolbaşçylary
gelip, muny Musa aýdanlarynda, [23]Mu-
sa şeýle diýdi: «Rebbiň buýrugy şudur:

---

[a] **16:16** ***Omer*** – bu ýewreýleriň agyrlyk ölçegidir. Bir omer takm. 2 kg deňdir.

ertir dynç alyş güni, bu Rebbe bagyş
edilen mukaddes Sabat günüdir. Bişirjek
zatlaryňyzy bişirip, gaýnatjak zatlary-
ňyzy gaýnadyň. Artan zatlaryňyzyň
hemmesini ertir daňdana alyp goýuň».
24 Şeýlelikde, olar Musanyň buýrugy bo-
ýunça ertire çenli ondan alyp goýdular.
Ol ne porsady, ne-de gurtlady. 25 Musa:
«Muny şu gün iýiň, çünki bu gün Reb
üçin Sabat günüdir. Bu gün siz olary
meýdandan tapmarsyňyz. 26 Alty günläp
siz ondan ýygnarsyňyz, emma ýedinji
gün bolan Sabat güni meýdanda ondan
hiç zat tapmarsyňyz» diýdi.

27 Ýedinji gün birnäçe adam ondan
ýygnamaga çykdy, emma hiç zat tap-
madylar. 28 Reb Musa: «Siz haçana çenli
Meniň tabşyryklarymy we kanunlarymy
ýerine ýetirmekden boýun towlajaksy-
ňyz? 29 Serediň! Men size Sabat gününi
berdim. Şonuň üçin hem altynjy gün
Men size çöregi iki günlük edip berýärin.
Ýedinji gün her kim öz ýerinde galsyn,
hiç kim daşary çykmasyn» diýdi. 30 Şeý-
dip, adamlar ýedinji gün dynç aldylar.

31 Ysraýyllar ol çöregiň adyna manna [a]
diýip at goýdular. Ol kinzanyň tohumy-
na meňzeş ak we kiçi bolup, tagamy bal
goşulyp bişirilen çelpek ýalydy. 32 Mu-
sa: «Rebbiň buýrugy şeýle: „Geljekki
nesiller üçin bir omer möçberde man-
na saklaň, şonda olar Müsürden alyp
çykanymdan soňra, çölde sizi nähili
çörek bilen bakanymy görerler“» diýdi.
33 Musa Haruna: «Bir golça alyp, onuň
içine bir omer mannany sal. Geljekki
nesiller üçin saklar ýaly, ony Rebbiň
huzurynda goý» diýdi. 34 Rebbiň Musa
buýruşy ýaly, Harun ony saklamak üçin,
Äht sandygynyň öňünde goýdy. 35 Ysra-
ýyllaryň ornaşan ýurdy bolan Kengan
topragyna baryp ýetýänçäler, olar kyrk
ýyllap manna iýdiler. 36 (Bir omer bat-
manyň ondan biri bolýar.)

## 17-nji bap

### *Gaýadan çykan suw*

1 Ähli ysraýyl halky Sin çölünden gö-
çüp gaýtdy. Rebbiň buýrugy boýunça olar
ondan-oňa göçüp-gonup, ahyry Repidim-
de düşlediler, emma ol ýerde adamlar
üçin içmäge suw ýokdy. 2 Olar Musa bilen
dawalaşyp, ondan içer ýaly suw talap et-
diler. Musa olara: «Näme üçin siz meniň
bilen dawalaşýarsyňyz? Näme üçin siz
Rebbi synaýarsyňyz?» diýdi. 3 Emma halk
gaty suwsapdy. Olar Musa igenip, oňa
şeýle diýdiler: «Näme üçin sen bizi Mü-
sürden alyp gaýtdyň? Bizi, çagalarymyzy
we mal-garalarymyzy suwsuzlykdan
öldürmek üçin getirdiňmi?» 4 Şeýlelikde,
Musa Rebbe dady-perýat edip: «Men bu
halky näme edeýin? Olar meni daşlap
öldürmäge taýýar ahyryn» diýdi. 5 Reb
Musa: «Ysraýyllardan birnäçe ýaşulyny
ýanyňa alyp, halkyň öňünden ýöre. Nil
derýasyna uran hasaňy hem eliňe alyp git.
6 Men Horepdäki [b] gaýada seniň öňüňde
duraryn. Gaýany ur, ondan suw çykar.
Şeýdip, adamlar suw içip bilerler» diýdi.
Musa ysraýyl ýaşulularynyň arasynda
şeýle etdi. 7 Ysraýyllar: «Reb biziň ara-
myzdamy ýa-da ýok?» diýip dawalaşyp,
Rebbi synadylar. Şol sebäpli Musa ol
ýeri Masa [ç] we Meriba [d] diýip atlandyrdy.

---

[a] **16:31** Ýewreýçe *manna* we *bu näme?* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir. Seret: Msr 16:15.
[b] **17:6** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.
[ç] **17:7** ***Masa*** – bu söz *synag* diýmegi aňladýar.
[d] **17:7** ***Meriba*** – bu söz *dawa* diýmegi aňladýar.

### *Ysraýyl halky amalekleri ýeňýär*

8 Soňra amalekler gelip, Repidimde
ysraýyllar bilen söweşdi. 9 Musa Ýeşu-
wa: «Biziň üçin adamlar saýla we git-de
amalekler bilen uruş. Ertir men elime
Hudaýyň hasasyny alyp, depäniň üstün-
de duraryn» diýdi. 10 Ýeşuwa Musanyň
aýdyşy ýaly, amalekler bilen söweşdi.
Musa, Harun we Hur bolsa depäniň
üstüne çykdylar. 11 Musa elini göterip
duranda, ysraýyllar ýeňýärdi, elini aşak
goýberende bolsa, amalekler ýeňýär-
di. 12 Musanyň elleriniň ysgyny gaçdy.
Şonda olar ony oturdar ýaly daş getirip
goýup, Musany onuň üstünde oturtdylar.
Harun bilen Hur onuň ellerini ýokary
galdyryp, hersi bir ýandan tutup durdy.
Olar tä Gün ýaşýança, onuň ellerini
göterip durdular. 13 Ýeşuwa amalekleri
we olaryň goşunyny gylyçdan geçirip,
gyran-jyran etdi.
14 Reb Musa: «Bu ýeňşi ýatdan çy-
karmazlary ýaly kitaba ýaz we Ýeşuwa
hem eşitdirip aýt, Men amalekleriň
tohum-tijini ýer ýüzünden süpürip taş-
lajakdyryn» diýdi. 15 Musa gurbanlyk
sypasyny ýasady we oňa: «Reb meniň
tugumdyr!» diýip at berdi. 16 Ol: «Elim
Rebbiň tugunda! Reb amalekleriň gar-
şysyna nesiller boýy söweşer» diýdi.

## 18-nji bap

### *Ýitro Musanyň ýanyna gelýär*

1 Hudaýyň Musa üçin we ysraýyllar
üçin eden ähli işleri baradaky we Reb-
biň olary Müsürden nähili çykarandygy
baradaky habar Musanyň gaýynatasy,
Midýan ruhanysy Ýitro baryp ýetdi.
2 Ine, Musa aýaly Syporany we iki og-
luny yzyna Midýana goýberensoň, olary
Musanyň gaýynatasy Ýitro saklaýardy.
3 Onuň bir oglunyň ady Gerşom[a] (Ol
ony: «Men bir ýat ýurtda gelmişek bol-
dum» diýip dakypdy), 4 beýleki oglunyň
ady Eligezerdi[b] (Onuň adyny bolsa:
«Atamyň Hudaýy maňa ýardam berdi,
Ol meni faraonyň gylyjyndan gutar-
dy» diýip, şeýle dakypdy). 5 Musanyň
gaýynatasy Ýitro onuň aýaly we iki
ogly bilen Musanyň ýanyna çöle, onuň
düşlän dagyna, Hudaýyň dagyna geldi.
6 Kimdir biri Musa: «Gaýynataň Ýitro
aýalyňy we iki ogluňy alyp, seniň ýa-
nyňa gelýär» diýip habar berdi. 7 Musa
gaýynatasyny garşy almaga çykdy we
dyzyna çöküp tagzym etdi we ony og-
şady. Olar biri-biri bilen saglyk-amanlyk
soraşanlaryndan soň, çadyryň içine
girdiler. 8 Musa Rebbiň ysraýyllar üçin
faraona we müsürlilere eden ähli işleri
barada, olaryň ýolda duçar bolan kynçy-
lyklary, Rebbiň olary azat edişi barada
gaýynatasyna ýekän-ýekän gürrüň ber-
di. 9 Ýitro Rebbiň ysraýyllara eden ähli
ýagşy işleri üçin we olary müsürlileriň
elinden azat edenligi üçin gaty begendi.
10 Ýitro: «Sizi müsürlileriň we fara-
onyň elinden azat eden Rebbe alkyş
bolsun! 11 Indi men Rebbiň beýleki ähli
hudaýlardan beýikdigini bilýärin, sebäbi
Ol ysraýyllary tekepbirlik bilen ezýän
müsürlileriň elinden halas etdi» diýdi.
12 Musanyň gaýynatasy Ýitro Huda-
ýa ýakma gurbanlygyny we beýleki
sadakalary berdi. Harun ähli ysraýyl
ýaşululary bilen birlikde Musanyň ga-
ýynatasy bilen Hudaýyň huzurynda
nahar iýmäge geldi.

---

[a] **18:3** Ýewreýçe *Gerşom* we *gelmişek* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **18:4** ***Eligezer*** – ýewreýçe bu at *Hudaýym meniň Medetkärim* diýmegi aňladýar.

### *Ýitro maslahat berýär*
*(Kanun taglymaty 1:9-18)*

13 Ertesi gün Musa adamlara kazy-
lyk etmäge çykdy. Adamlar ertirden
agşama çenli Musanyň töwereginde
durdular. 14 Musanyň gaýynatasy onuň
adamlar bilen edýän ähli işlerini gö-
rende: «Adamlara edýän bu işiň näme
boldugy? Näme üçin şunça adamy ýeke
özüň kabul edýärsiň, bütin halk ertirden
agşama çenli seniň töweregiňde dur»
diýdi. 15 Musa gaýynatasyna: «Munuň
sebäbi adamlar Hudaýyň islegini bilmek
üçin, meniň ýanyma gelýärler. 16 Olaryň
dawasy bolsa, maňa gelýärler. Men hem
iki dawagäriň arasyndaky dawany çözüp
berýärin we Hudaýyň parzlaryny, Onuň
kanunlaryny olara aýan edýärin» diýdi.
17 Musanyň gaýynatasy oňa şeýle diýdi:
«Seniň edýän bu işiň gowy däl. 18 Sen
özüňi hem, adamlary hem kösäp, gynap
ýörsüň. Bu iş seniň üçin gaty agyr. Seniň
ýeke özüň muny ýerine ýetirip bilmersiň.
19 Indi meniň sözüme gulak goý. Men
saňa maslahat berjek. Hudaý saňa ýar
bolsun! Sen Hudaýyň öňünde halkyň we-
kili bolup, olaryň ýagdaýlaryny Hudaýa
ýetir. 20 Sen olara Hudaýyň parzlaryny
we taglymatlaryny öwret. Olara haýsy
ýoldan ýöremelidigini we näme iş et-
melidigini görkez. 21 Mundan başga-da,
ähli adamlaryň içinden başarjaňlaryny,
ýagny Hudaýdan gorkýan, dogruçyl we
parany ýigrenýän adamlary saýla. Olary
müň adamyň, ýüz adamyň, elli adamyň
we on adamyň üstünden baştutan goý.
22 Goý, hemişe olar adamlara kazylyk
etsinler. Uly dawalary saňa aýtsynlar,
emma kiçi dawalary özleri çözsünler.
Şonda seniň üçin aňsadrak bolup, agyr
ýüküň ýeňlär. 23 Hudaýyň buýruşy ýaly,
şeýle etseň, onda sen bu işiň hötdesinden
gelersiň. Bu adamlaryň ählisi hem öý-
lerine kanagatlanyp gaýdarlar».
24 Şeýlelikde, Musa gaýynatasynyň
sözüne gulak goýdy. Onuň aýdan ähli
zatlaryny ýerine ýetirdi. 25 Musa ähli
ysraýyllaryň içinden başarjaň adamlary
saýlap, olary halka müňbaşy, ýüzbaşy,
ellibaşy we onbaşy edip belledi. 26 Olar
halka hemme wagt kazylyk etdiler. Olar
çözmesi kyn dawalary Musa getirdiler,
emma kiçi dawalary özleri çözdüler.
27 Soňra Musa gaýynatasyny ugratdy.
Ýitro yzyna, öz ýurduna gaýtdy.

## 19-njy bap

### *Ysraýyllar Sinaýa gelýärler*

1-2 Ysraýyllar Müsürden çykanlaryndan
soň, edil üçünji aýyň birinji güni Sinaý
çölüne geldiler. Olar Repidimden göçüp,
Sinaý çölünde düşläp, dagyň eteginde
ýerleşdiler. 3 Musa Hudaý bilen duşuş-
mak üçin daga çykdy. Dagyň depesinden
Reb ony çagyryp, şeýle diýdi: «Ysra-
ýyllara, ýagny Ýakubyň nesline şuny
aýt: 4 „Müsürlilere näme edendigimi
siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny
ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem
sizi ýanyma şeýdip alyp geldim. 5 Şonuň
üçin hem indi siz Meniň sözüme boýun
bolup, Meniň ähtimi saklasaňyz, ähli
halklaryň arasynda siz Meniň Öz saýlan
halkym bolarsyňyz, çünki tutuş zemin
Meniňkidir. 6 Siz Meniň üçin ruhanylar
bolup hyzmat edýän, Maňa bagyş edilen
mukaddes millet bolarsyňyz“. Ine, seniň
ysraýyllara aýtmaly sözleriň şudur».
7 Şeýlelikde, Musa gelip, ysraýyllaryň
ýaşulularyny çagyrdy we Rebbiň buýran
sözleriniň hemmesini olara aýan etdi.
8 Ähli adamlar birlikde: «Biz Rebbiň
aýdanlarynyň barysyny ýerine ýetireris»
diýip jogap berdiler. Musa hem halkyň

jogabyny Rebbe ýetirdi. 9Reb Musa: «Ine,
seniň bilen gepleşenimde, adamlar eşi-
der ýaly we olar saňa hemişelik ynanar
ýaly, Men seniň ýanyňa goýy bulutda
gelerin» diýdi.

Musa halkyň sözlerini Rebbe aýdanda,
10Reb Musa şeýle diýdi: «Adamlaryň
ýanyna bar, şu gün we ertir inlerini
tämizlemegi buýur, goý, olar geýim-
lerini-de ýuwsunlar. 11Birigün taýýar
bolsunlar. Sebäbi birigün Men ähli
adamlaryň gözüniň alnynda aşak Si-
naý dagyna injek. 12Sen adamlar üçin
dagyň töweregine araçäk belle we olara
aýt, olar daga çykmasynlar ýa-da onuň
araçägine aýak basmasynlar. Kimde-kim
dagy ellese, ol öler. 13Oňa el degrilmez-
den daşlanyp öler ýa-da ok ýaý bilen
atylar. Isle haýwan bolsun, isle ynsan
bolsun, ol diri galmaz. Şahdan edilen
surnaýyň owazy batly çalnandan soň,
olar daga çykyp bilerler». 14Şeýdip, Musa
dagdan aşak, adamlaryň ýanyna düşdi
we olara inlerini tämizlemegi buýurdy.
Olar geýimlerini hem ýuwdular. 15Musa
halka: «Birigün taýýar boluň, aýalyňyza
ýanaşmaň» diýdi.

16Birigün irden gök gürläp, ýyldyrym
çakdy. Galyň bulut dagyň üstüne geldi
we şeýle bir batly sesli surnaý çalyndy.
Düşelgedäki ähli adamlar gorkup tit-
reşdiler. 17Musa adamlary Hudaý bilen
duşurmak üçin, düşelgeden çykaryp
getirdi. Olar dagyň eteginde durdular.
18Reb aşak ot içinde düşeni üçin, Sinaý
dagyny tüsse gaplady. Tüsse ojakdan
çykýan ýalydy we tutuş dag güýçli sars-
ýardy. 19Surnaýyň owazy gitdigisaýy
güýçlenýärdi. Musa gepledi, Hudaý oňa
gök gürrüldili ses bilen jogap berdi.
20Reb Sinaý dagynyň depesine inende,
Ol Musany dagyň depesine çagyrdy.
Musa ýokary çykdy. 21Reb Musa: «Aşak
düş-de, adamlara duýdur. Olar Meni
görmek üçin serhedi bozmasynlar, ýog-
sam, olaryň köpüsi heläk bolar. 22Hatda
Meniň ýakynyma geljek ruhanylar hem
inlerini tämizlesinler, ýogsam Men ola-
ryň-da jezasyny bererin» diýdi. 23Musa
Rebbe: «Adamlar Sinaý dagyna çykyp
bilmezler, çünki bize dagyň daşyna ara-
çäk belläp, ony mukaddeslemegi Seniň
Özüň tabşyrdyň ahyry» diýdi. 24Reb oňa:
«Aşak düş-de, Haruny özüň bilen alyp
gel, ýöne ruhanylar we adamlar Meniň
ýanyma çykjak bolup, serhedi bozma-
synlar, ýogsam, Men ol adamlary heläk
ederin» diýdi. 25Şeýlelikde, Musa aşak
düşüp, adamlara ähli zady gürrüň berdi.

## 20-nji bap

### *On tabşyryk*

*(Kanun taglymaty 5:1-21)*

1Onsoň Hudaý ähli şu sözleri diý-
di: 2«Seniň gul bolup ýaşan ýurduň
Müsürden alyp çykan Hudaýyň Reb
Mendirin. 3Seniň Menden başga hu-
daýlaryň bolmasyn.

4Özüň üçin ýokarda gökde, aşakda
ýerde ýa-da ýerasty suwlarda ýaşaýan
zatlaryň hiç birine meňzeş şekilde but
ýasama. 5Sen olara tagzym etme ýa-da
olara gulluk etme, çünki Men Huda-
ýyň Reb gabanjaň Hudaýdyryn. Meni
ýigrenýän atalaryň etmişiniň jezasyny
olaryň çagalarynyň üçünji we dördünji
arkasyna çekdirerin. 6Emma kim Meni
söýüp, buýruklarymy ýerine ýetirse,
onuň müňlerçe nesline sadyk söýgimi
görkezerin.

7Hudaýyň Rebbiň adyny boş ýere
agzama, çünki Reb Öz adyny boş ýere
agzan adamy jezasyz goýmaz.

8Mukaddes Sabat gününiň kanun-
laryny ýerine ýetir. 9Alty günde ähli

işleriňi edersiň. 10 Emma ýedinji gün
Hudaýyň Rebbe bagyşlanan dynç gü-
nüdir. Bu gün seniň özüň, ogul-gyzyň,
gul-gyrnagyň, mal-garaň, galaňyzda
ýaşaýan gelmişek hijisi bir iş hem et-
mesin. 11 Çünki Reb ýeri, gögi, deňzi
we olardaky ähli janly-jandarlary alty
günde ýaratdy, ýedinji gün bolsa dynç
aldy. Şonuň üçin hem Reb Sabat gününi
aýratyn gün hökmünde ýalkady.

12 Ata-eneňe hormat goý, şonda Huda-
ýyň Rebbiň özüňe beren ýerinde ömrüň
uzak bolar.

13 Adam öldürme.

14 Zyna etme.

15 Ogurlyk etme.

16 Biriniň garşysyna ýalan şaýatlyk
etme.

17 Başga adamyň öýüne, aýalyna, gul-
-gyrnagyna ýa-da öküzine, eşegine oňa
degişli zatlaryň hiç birine göz dikme».
18 Ähli ysraýyllar gök gürrüldisini, ýyl-
dyrym çakyşyny we surnaýyň sesini
eşidip, dagyň bolsa, tüsseleýändigini
görüp, gorkudan ýaňa titreşdiler we
uzakda durdular. 19 Olar Musa: «Bize sen
geple, biz eşideris, ýöne, goý, Hudaý bize
geplemesin, ýogsam, biz öleris» diýdiler.
20 Musa adamlara: «Gorkmaň, çünki
Hudaý sizi synamak üçin we Ondan
gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi»
diýdi. 21 Musa Hudaýyň bolýan tüm ga-
raňkylygyna ýakynlaşanda, adamlar
uzakda durdular.

### *Gurbanlyk sypasy*

22 Reb Musa diýdi: «Şuny ysraýyllara
ýetir: „Meniň siziň bilen Gökden geple-
şenimi özüňiz gördüňiz. 23 Özüňiz üçin
Menden başga altyn-kümüşden hudaýlar
ýasamaň. 24 Meniň üçin toprakdan gur-
banlyk sypasyny ýasaň we onuň üstünde
goýunlaryňyzy, öküzleriňizi başbitin
ýakma gurbanlygy we salamatlyk gur-
banlygy edip hödürläň. Adym tutulyp
ýatlanylan her bir ýere gelip, Men size
ak pata bererin. 25 Eger siz Maňa gur-
banlyk sypasyny daşdan ýasasaňyz, ony
ýonulan daşlardan ýasamaň, çünki gural
ulansaňyz, siz ony harama çykararsyňyz.
26 Meniň gurbanlyk sypama basgançaklar
bilen çykmaň, sebäbi ýalaňaç ýeriňiziň
görünmegi mümkin“».

## 21-nji bap

### *Ýewreý gullary hakynda*
*(Kanun taglymaty 15:12-18)*

1 «Şu hökümleri ysraýyllara ýetir:
2 Siz ýewreý guluny satyn alsaňyz, ol
size alty ýyllap hyzmat eder, ýedinji
ýyl bolsa ol hiç hili bergisiz azat adam
bolar. 3 Eger ol sallah bolup gelse, sal-
lahlygyna hem gider. Eger öýlenen gul
gelse, onuň aýaly-da özi bilen gider.
4 Eger hojaýyny guluna aýal alyp ber-
se we ondan ogul-gyz dogulsa, onuň
aýaly, çagalary hojaýyna degişli bolup
galar-da, guluň ýeke özi gider. 5-6 Em-
ma gul: „Men hojaýynymy, aýalymy
we çagalarymy söýýärin. Men azatly-
ga çykjak däl“ diýip jar etse, hojaýyn
ony Hudaýyň huzuryna getirsin. Ony
gapynyň ýanyna ýa-da bosaga getirip,
temen bilen gulagyny deşsin. Soň ol gul
hojaýynyna ömürboýy hyzmat eder».

7 «Bir adam öz gyzyny gyrnak edip
satsa, ol gyrnak azatlyga guluň çykyşy
ýaly çykyp bilmez. 8 Eger gyrnak özüni
saýlan hojaýynynyň göwnünden tur-
masa, gyrnagyň maşgalasy ony yzyna
satyn alyp biler. Hojaýynyň ony keseki
adama satmaga haky ýokdur, sebäbi ol
gyrnagyna adalatsyz garapdyr. 9 Eger
hojaýyn ol gyrnagy ogluna gelinlik saý-
lasa, ol ony öz gyzy ýaly görmelidir.

10 Eger hojaýyn özüne başga aýal edinse,
ol birinji aýalyny hemişeki iýmitinden,
geýim-gejiminden ýa-da är-aýallyk hu-
kugyndan mahrum etmeli däldir. 11 Eger
hojaýyn oňa şu üç zady etmese, ol aýal
hiç zat tölemezden, azatlyga çykyp biler».

### *Zorluk hakda*

12 «Kim adam urup öldürse, ol ölüme
höküm edilsin. 13 Emma ol ony bilkastla-
ýyn öldürmän, eýsem, bu Hudaý tarapyn
bolsa, onda ol adam Meniň bellejek
ýerime gaçyp gutulyp biler. 14 Emma
bir adam başga birine hile gurap, ony
bilkastlaýyn öldürse, ol hatda Meniň
gurbanlyk sypama gaçan hem bolsa
ony öldüriň.

15 Kim atasyna-enesine el galdyrsa, ol
ölüme höküm edilsin.

16 Kim adam ogurlap satsa ýa-da ogur-
lanan adam onuň öýünden tapylsa, ol
ölüme höküm edilsin.

17 Atasyna ýa-da enesine gargan adam
ölüme höküm edilsin.

18-19 Iki adam dawalaşyp, biri beýlekisi-
ni daş bilen ýa-da ýumruk bilen ursa, ol
hem ölmän galyp, düşekde ýatsa, soňra
ol ýene-de aýak üstüne galyp, pişegiň
kömegi bilen içeri-daşary girip-çykyp
bilse, ony uran adam jezasyz galsyn.
Ýöne ol onuň ýitiren wagty üçin tölesin
we gowy gutulýança oňa seretsin.

20 Kim guluny ýa-da gyrnagyny taýak
bilen ursa, urlan hem onuň elinden ölse,
uran jezalandyrylmalydyr. 21 Emma ol
gul ýa-da gyrnak birki gün ölmän ýa-
şasa, hojaýyna jeza bermeli däl. Çünki
ol gul onuň hususy emlägidir.

22 Adamlar uruşýan mahaly, göwreli
aýala zeper ýetip, çagasy düşse, ýöne
başga hiç hili zyýan etmese, oňa azar
ýetiren adam ol aýalyň äriniň talap eden
zatlaryny kazylaryň tassyklan möçbe-
rinde jerime tölemeli. 23 Eger oňa başga
bir ömür howply zyýan ýeten bolsa,
onda jan ýerine jan almak bilen; 24 göz
ornuna göz, diş ornuna diş, aýak ornuna
aýak almak bilen; 25 ýanyk ýerine ýanyk,
ýara ýerine ýara, gök ýerine gök salmak
bilen jeza berilsin.

26 Hojaýyn guluny ýa-da gyrnagyny
urup, gözüni kör etse, gözüniň öwezine
ony azat etsin. 27 Eger-de kim guluny
ýa-da gyrnagyny urup, dişini döwse,
döwlen dişiň öwezine ony azat etsin».

### *Mal-garalar hakda*

28 «Eger bir öküz bir erkek adamy ýa-da
aýaly süsüp öldürse, onda ol öküz daşla-
nyp öldürilsin. Onuň eti hem iýilmesin.
Öküziň eýesi bolsa günäkär saýylmasyn.
29 Eger öküziň süsekdigi öňden mälim
bolup, ony eýesine duýdursalar, emma
ol adam şonda-da öküzine göz-gulak
bolmasa we ol öküz erkek adamy ýa-da
aýaly süsüp öldürse, onda öküz daşla-
nyp öldürilsin. Onuň eýesi bolsa ölüme
höküm edilsin. 30 Eger öküziň eýesinden
hun talap edilse, ol özünden talap edilen
huny doly töläp, öz janyny gutaryp biler.
31 Eger gara mal oglany ýa-da gyzy süsüp
öldürse, oňa garşy hem şuňa meňzeş
kanun ulanylsyn. 32 Eger öküz guly ýa-
-da gyrnagy süsüp öldürse, öküz eýesi
guluň hojaýynyna altmyş bäş mysgal [a]
kümüş jerime tölesin. Mal bolsa daşla-
nyp öldürilsin.

33 Bir adam çukuryň üstüni açsa ýa-da
çukur gazyp üstüni örtmese we oňa öküz
ýa-da eşek gaçsa, 34 çukury gazan adam
ýetirilen zyýany tölesin. Ölen malyň
maslygy bolsa onuň özüne galsyn. 35 Bir

---

[a] **21:32** ***Altmyş bäş mysgal*** – ýewreýçe *otuz şekel*. Bu takm. 330 gr deňdir.

adamyň öküzi başga biriniň öküzini sü-
süp öldürse, onda olar diri öküzi satyp,
onuň bahasyny deň bölüşmeli. Ölen maly
hem deň ikä paýlamaly. 36 Eger öküziň
süsekdigi ozaldan belli bolup, ony eýe-
sine duýdursalar, eýesi şonda-da oňa
göz-gulak bolmasa, ol öküziň öwezine
öküz bermelidir. Ölen malyň maslygy
bolsa onuň özüne galmalydyr».

## 22-nji bap

### *Öwezine bermek hakda*

1 «Bir adam öküz ýa-da goýun ogurlap,
ony soýsa ýa-da satsa, ol bir öküze derek
bäş öküz, bir goýna derek dört goýun
bermeli. Eger onuň hiç zady ýok bolsa,
ogurlan zatlary üçin ol özüni gulçulyga
satmaly. 2 Eger ogurlanan mal ogrynyň
emläginiň içinden diri tapylsa, ol isle
öküz bolsun, isle eşek ýa-da goýun bol-
sun, ogry onuň üçin iki esse tölemelidir.
3-4 Eger ogry gije öý ýarýan pursady
tutulsa we urlup öldürilse, ony öldüren
adam ganhor hasaplanmaýar. Emma bu
gündiz bolup geçse, onda ony öldüren
adam ganhor hasaplanýar.
5 Eger bir adamyň maly öz meýda-
nynda ýa-da üzüm bagynda otlap ýörkä
azaşyp, başga biriniň meýdanyndaky
zatlaryny iýse, ol oňa ýeten zeleliň öwe-
zini öz meýdanynyň we üzüm bagynyň
iň gowy hasyly bilen doldurmaly.
6 Ýandaga düşen ot tutaşyp, desselenip
goýlan ýa-da ösüp oturan bugdaý ýa-da
ekin meýdany ýansa, onda ýangyny
döreden adam ýetirilen zyýany doly
tölemelidir. 7 Eger bir adam puly ýa-da
harydy goňşusyna saklamaga berse, ol
hem onuň öýünden ogurlansa, onda ogry
tutulan ýagdaýynda, goý, ol ogry iki esse
tölesin. 8 Eger ogry tapylmasa, öý eýesi
öz goňşusynyň zatlaryna el urandygyny
ýa-da urmandygyny mälim etmek üçin,
Hudaýyň huzuryna getirilsin.
9 Her bir emläk baradaky jedelde, ol
öküz, eşek, goýun bolsun ýa-da geýim-
-gejim bolsun, her bir ýiten mal-gara
ýa-da zat üçin biri: „Bu meniňki“ diýip
dawa etse, şeýle ýagdaýda iki tarap hem
Hudaýyň öňüne gelsin. Hudaý kimi
günäkär hasaplasa, ol öz goňşusyna iki
esse jerime tölemeli.
10 Eger biri goňşusyna öz eşegini,
öküzini ýa-da goýnuny, ýa-da islendik
malyny saklamaga amanat berse, hiç kim
görmänkä ol mal ölse, ýaralansa ýa-da
alnyp gidilse, 11 goňşusynyň emlägine
el urmandygy hakda ikisiniň arasynda
Rebbiň adyndan ant içilsin. Amanat be-
ren mal eýesi muny kabul etsin we oňa
jerime tölemek gerek däl. 12 Emma mal
amanady saklamaga alan adamdan ogur-
lanan bolsa, ol adam mal eýesine ýetirilen
zyýanyň öwezini tölemelidir. 13 Eger ony
wagşy haýwan parçalan bolsa, goý, onuň
maslygy subutnama hökmünde getirilsin.
Parçalanan mal üçin jerime tölemeli däl.
14 Eger bir adam goňşusynyň malyny
wagtlaýyn sorap alandan soňra ýanynda
eýesi ýok wagty ol mal ýaralansa ýa-da
ölse, maly sorap alan adam onuň baha-
syny doly tölemelidir. 15 Emma eýesi şol
wagt malyň ýanynda bolsa, sorap alan
kişi oňa hiç zat tölemeli däldir. Eger-
de mal kireýine berlen bolsa, ýetirilen
zyýanyň öwezine diňe kireýiň muzdy
tölenmelidir».

### *Dürli kanunlar*

16 «Eger-de bir adam özüne adagly
bolmadyk boý gyzyň başyny aýlap, oňa
ýanaşsa, galyň töläp, oňa öýlensin. 17 Em-
ma atasy gyzyny oňa bermäge çürt-kesik
garşy bolsa, onda ol adam boý gyz üçin
berilýän galyňyň nyrhyny tölemelidir.

18 Jadygöýlik bilen meşgullanýan her
bir aýaly öldüriň.

19 Kimde-kim haýwanlar bilen ýanaşsa,
ol ölüme höküm edilsin.

20 Kimde-kim ýeke-täk Rebden başga
hudaýa gurbanlyk berse, bütinleý ýok
edilsin.

21 Gelmişekleriň hukugyny kemsitmäň,
olara sütem etmäň. Çünki özüňiz hem Mü-
sürde gelmişek bolup ýaşapdyňyz. 22 Hiç
bir dul hatyna ýa-da ýetime ezýet bermäň.
23 Eger ezýet berseňiz, olar hem maňa
nalyş etseler, Men hökman olaryň perýa-
dyny eşiderin. 24 Men gazap atyna atlanyp,
sizi gylyçdan geçirerin. Siziň aýallaryňyz
dul galar, çagalaryňyz bolsa ýetim galar.

25 Eger meniň halkymdan bir garyp bi-
çärä pul karz berseňiz, süýthorlar kimin
göterimine bermäň. 26 Eger goňşyňyň
donuny girewine alsaň, Gün batmanka
ony yzyna ber. 27 Çünki bu onuň ýeke-täk
ýapynjasydyr. Onsuz ol näme ýapynyp
ýatsyn? Eger ol Maňa nalyş etse, eşide-
rin, çünki Men rehimlidirin.

28 Hudaýa sögme. Öz halkyňyň ýol-
başçysyny näletleme.

29 Hasylyňyzyň üzüm şerbedinden we
zeýtun ýagyndan bermeli sadakalaryňyzy
gijikdirmän beriň. Nowbahar ogullaryňy-
zy Maňa bagyş ediň. 30 Mallaryňyzyň-da,
dowarlaryňyzyň-da ilkinji erkek guzlan-
laryny ýedi gün enesiniň ýanynda saklap,
sekizlenji gün Meniň huzuryma getiriň.

31 Siz Meniň mukaddes halkymsyňyz.
Şonuň üçin hem ýyrtyjylaryň meýdanda
parçalan mallarynyň etini iýmäň. Ony
itleriň öňüne oklaň».

## 23-nji bap

### *Adalat we wyždan*

1 «Ýalan gep ýaýratma. Ýalana şaýatlyk
edip, ýaramaz adama gol berme. 2 Erbet
iş edýän köpçüligiň yzyna düşme. Bir
dawada şaýatlyk edeniňde, köpçüligiň
tarapynda durup, adalatdan ýüz dön-
derme. 3 Dawada garybyň-da tarapyny
çalma.

4 Öz duşmanyňyň azaşan öküzine ýa-da
eşegine duşsaň, ony eýesine getirip ber.

5 Eger seni ýigrenýän biriniň eşeginiň
ýük astynda ýatanyny görseň, ony taş-
lap gitme. Oňa bu ýükden azat bolmaga
kömek et.

6 Dawada garyba adalatsyzlyk etme.
7 Ýalan işden daşda dur. Bigünä we
dogruçyl adamy öldürme, çünki Men
günälini aklamaýaryn. 8 Para almaň,
çünki para akyldarlaryň gözüni kör
eder, dogrynyň işini ters eder.

9 Gelmişege zulum etmäň. Gelmişe-
giň ýüregini bilýänsiňiz, çünki siziň
özüňiz hem Müsürde gelmişek bolup
ýaşapdyňyz».

### *Ýedinji ýyl we ýedinji gün*

10 «Alty ýyl topragyňyza ekin ekip,
onuň hasylyny ýygyň. 11 Emma ýedinji
ýyl topraga dynç beriň, ony şüdügär edip
goýuň. Şonda ondan halkyňyzyň arasyn-
daky garyplar iýsin, ondan galanlaryny
bolsa ýyrtyjy haýwanlar iýsin. Üzüm
we zeýtun baglaryňyzy hem şeýle ediň.

12 Alty günläp öz işleriňizi ediň, emma
ýedinji gün dynç alyň. Şonda öküziňize
we eşegiňize-de ýeňillik bolar. Öýü-
ňizdäki guluňyz hem, gelmişek hem
rahatlanar. 13 Meniň size aýdanlarymyň
ählisini ýerine ýetiriň. Başga hudaý-
lary çagyrmaň, goý, olaryň atlary-da
agzalmasyn».

### *Üç baýram*

*(Kanun taglymaty 16:1-17)*

14 «Ýylda üç sapar Meniň şanyma
baýram ediň: 15 Petir baýramyny belläň.

Meniň buýruşym ýaly, Abyp aýynyň
bellenen günlerinde ýedi günläp pe-
tir iýiň, çünki siz Müsürden şol aýda
çykdyňyz. Meniň öňümde hiç kim eli
boş görünmesin. 16 Meýdanda çeken
zähmetiňiziň ilkinji hasylyndan Galla
baýramyny belläň. Meýdandaky miwe-
leriňizi ýygyp bolup, ýylyň ahyrynda
bolsa hasyl toý beriň. 17 Ýylda üç gezek
erkekleriňiziň hemmesi Men – Taň-
ry Rebbiň huzuryna gelsinler. 18 Maňa
gurbanlyk üçin öldürýän malyňyzyň
ganyny hamyrmaýaly çörek bilen ber-
mäň. Meniň baýramymyň şanyna gurban
eden malyňyzyň ýagy ertire galmasyn.
19 Ýeriňizde önen ilkinji saýlama miwe-
leri Hudaýyňyz Rebbiň öýüne getiriň.
Owlagy enesiniň süýdünde bişirmäň».

***Kengan baradaky wadalar we duýduryşlar***

20 «Sizi ýolda gorar ýaly we taýýarlan
ýerime getirer ýaly, Men siziň öňüňizden
perişde iberýärin. 21 Onuň aýdanlaryna
dykgat bilen gulak goýuň. Oňa garşy
baş galdyrmaň. Ol siziň beýle etmişi-
ňizi bagyşlamaz, çünki ol Meniň adym
bilen geler.
22 Eger siz oňa boýun bolup, Meniň
ähli aýdanlarymy berjaý etseňiz, onda
Men siziň duşmanlaryňyza duşman,
ýagylaryňyza ýagy bolaryn.
23 Meniň perişdäm siziň öňüňizden gi-
dip, sizi amorlaryň, hetleriň, perizleriň,
kenganlaryň, hiwileriň we ýabuslaryň
ýurduna getirer we Men olary gyryp
ýok ederin. 24 Siz olaryň hudaýlaryna
tagzym etmäň we olara gulluk etmäň.
Olaryň dini adatlaryna uýmaň, gaý-
tam, olaryň butlaryny döwüp, dikme
daşlaryny kül-peýekun ediň. 25 Siz öz
Hudaýyňyz Rebbe gulluk ediň, şeýt-
seňiz, Men siziň nanyňyza, suwuňyza
bereket bererin. Siziň araňyzdan ke-
selçiligi aýraryn. 26 Ýurduňyzda çagasy
düşen ýa-da önelgesiz galan bolmaz.
Ömrüňizi-de uzak ederin. 27 Men Öz
haýbatymy siziň öňüňizden ugradaryn.
Siziň garşyňyza çykan her bir halky al-
jyraňňylyga salyp, ähli duşmanlaryňyzy
ýeňse berip gaçar ýaly ederin. 28 Men
hiwilere, kenganlara we hetlere howp
salyp, olary siziň öňüňizden kowup
çykararyn. 29 Ýer boş galmaz ýaly we
ýyrtyjy haýwanlar garşyňyza köpelmez
ýaly, Men duşmanlaryňyzy siziň öňüňiz-
den bir ýylyň dowamynda kowjak däl.
30 Siz köpelip, ýeri eýeleýänçäňiz, Men
olary siziň öňüňizden ýuwaş-ýuwaşdan
kowup çykararyn. 31 Gyzyl deňizden
piliştlileriň deňzine çenli we çölden
Ýewfrat derýasyna çenli araçäkleriňizi
bellejek. Çünki olaryň ýaşaýjylaryny
siziň eliňize berjek. Siz olary kowup
çykaryň. 32 Siz olar bilen hem, olaryň
hudaýlary bilen hem äht baglaşmaň.
33 Olar siziň ýurduňyzda ýaşamasynlar,
ýogsam, olar sizi Maňa garşy goýup,
günä etmäge mejbur ederler. Olaryň hu-
daýlaryna gulluk etseňiz, siz gürrüňsiz
duzaga düşersiňiz».

## 24-nji bap

***Reb ysraýyllar bilen äht baglaşýar***

1 Soňra Reb Musa: «Sen, Harun, Na-
dap, Abyhu we Ysraýylyň ýetmiş sany
ýaşulusy Meniň ýanyma gelip, Maňa
uzakdan sežde ediň. 2 Musa, seniň ýeke
özüň Meniň golaýyma gel, beýlekiler
ýakynlaşmasynlar, halk hatda daga-da
aýak basmasyn» diýdi.
3 Musa gelip, Rebbiň ähli sözlerini
we ähli hökümlerini halka mälim etdi.
Tutuş halk biragyzdan oňa: «Biz Rebbiň
aýdan ähli sözlerini ýerine ýetireris»

diýip jogap berdi. 4 Musa Rebbiň äh-
li sözlerini ýazdy. Ol daň bilen turup,
dagyň eteginde gurbanlyk sypasyny
ýasady. Ol Ysraýylyň on iki tiresine
laýyklykda on iki sany uly daş dikdi.
5 Soňra Musa Rebbe ýakma gurban-
lyklary we öküzler soýup, salamatlyk
gurbanlyklary bermäge ysraýyllaryň
ýaş ýigitlerini ugratdy. 6 Musa gurbanlyk
ganynyň ýarysyny alyp, legenlere guý-
dy, ýarysyny bolsa gurbanlyk sypasyna
serpdi. 7 Soňra Musa Äht kitabyny eline
alyp, ony halka eşitdirip okap berdi.
Olar: «Rebbiň aýdanlarynyň ählisini
ýerine ýetireris we oňa boýun bolarys»
diýdiler. 8 Musa gany alyp, halkyň üs-
tüne sepeledi we olara: «Ine, ähli şu
sözleriň esasynda, bu Rebbiň siziň bilen
eden äht ganydyr» diýdi. 9 Soňra Musa,
Harun, Nadap, Abyhu we ysraýylyň
ýetmiş sany ýaşulusy daga çykdy. 10 Olar
Ysraýylyň Hudaýyny gördüler. Onuň
aýaklarynyň astyndaky meýdança edil
ýakut daşyndan edilen ýalydy we asman
ýaly dup-durudy. 11 Hudaý ysraýyllaryň
baştutanlaryna el degirmedi. Olar hem
Hudaýy gördüler we iýip-içdiler.

### *Musa Sinaý dagynda*

12 Reb Musa: «Meniň ýanyma daga
çykyp, ol ýerde garaş. Halka öwretmek
üçin, Men saňa ýüzüne kanun we tab-
şyryklarym ýazylan iki sany ýasy daş
bölegini berjek» diýdi. 13 Şeýlelikde,
Musa kömekçisi Ýeşuwa bilen ornundan
turdy. Musa Hudaýyň dagyna çykma-
ga başlady. 14 Ol ýaşululara şeýle diýdi:
«Yzymyza gaýdyp gelýänçäk, bize şu
ýerde garaşyň. Harun bilen Hur siziň
bilen galýar. Kimiň näme işi bolsa, şo-
lara ýüz tutup bilersiňiz».
15 Soňra Musa daga çykdy. Bulut dagy
gaplady. 16 Rebbiň şöhraty Sinaý dagyna
ornaşdy. Bulut dagy alty günläp örtdi.
Ýedinji gün Reb Musany buludyň içinden
çagyrdy. 17 Indi Rebbiň şöhratynyň görnü-
şi ysraýyllaryň gözüne dagyň depesinde
lowlap ýanýan ot ýaly bolup göründi.
18 Musa buludyň içine girip, daga çykdy.
Musa dagda kyrk gije-gündiz boldy.

## 25-nji bap

### *Mukaddes öý üçin sadakalar*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyllara
aýt, Maňa sadaka bersinler. Meniň üçin
her bir adamyň öz göwnünden çykaryp
beren sadakasyny kabul ediň. 3 Olardan
kabul edip almaly sadakalaryňyz şular-
dyr: altyn, kümüş, bürünç; 4 gök, badam,
gyrmyzy ýüplük, nepis zygyr mata, geçi
ýüňi; 5 goçuň eýlenen derisi, saýlama
deri, akasiýa agajy; 6 çyra üçin zeýtun
ýagy, mesh ýagy üçin we ýakymly ysly
tütetgi üçin hoşboý ysly zatlar; 7 efoda [a]
we gursakça dakmak üçin hakyk we
başga gymmatbaha gaşlar. 8 Men olaryň
arasynda ýaşar ýaly, Maňa mukaddes
öý gursunlar. 9 Mukaddes çadyr we onuň
ähli esbaplary Meniň size görkezme
berşim ýaly gurulsyn.

### *Äht sandygy*

10 Akasiýa agajyndan sandyk ýasasyn-
lar. Onuň uzynlygy iki ýarym tirsek, ini
we beýikligi bir ýarym tirsek bolsun.
11 Onuň içini-de, daşyny-da sap altyna
gaplap, onuň daş-töweregine altyndan
jähek salsynlar. 12 Sandyk üçin dört sa-
ny altyn halka ýasap, olary onuň dört
aýagyna: ikisini bir tarapyna, beýleki
ikisini beýleki tarapyna dakyň.

---

[a] **25:7** ***Efot*** – baş ruhanynyň ýeňsiz üstki geýimi. Sözlüge seret.

13 Akasiýa agajyndan syryklar ýasap,
olary altyna gaplaň. 14 Sandygy özüňiz
bilen göterip äkider ýaly, syryklary onuň
gapdallaryndaky halkalardan geçiriň.
15 Syryklar sandygyň halkalarynda gal-
syn we ondan aýrylmasyn. 16 Meniň
saňa berjek ýazgyly Ähtnamamy hem
sandykda goýarsyň.

17 Soňra sap altyndan gapak ýasasyn-
lar. Onuň uzynlygy iki ýarym tirsek, ini
bolsa bir ýarym tirsek bolsun. 18 Gapagyň
her iki ýan çetinde döwme altyndan iki
sany kerup[a] ýasat. 19 Keruplaryň birini
gapagyň bir çetinde, beýlekisini beýleki
çetinde ýerleşdirsinler. Olary gapagyň
her ýan çetinde goýup, gapak bilen bir
bitewi edip berkitdir. 20 Keruplar ganat-
laryny gapagyň depesinde ýaýyp, onuň
üstüne saýa salyp dursun. Olaryň ýüzleri
biri-birine bakyp, göni gapaga tarap se-
redip dursunlar. 21 Saňa berjek ýazgyly
Ähtnamamy sandygyň içinde goýup,
gapagy hem onuň üstünden goý. 22 Äht
sandygynyň üstündäki, gapagyň ýokar-
syndaky iki sany kerubyň aralygynda
Men seniň bilen duşuşaryn we ysraýyllar
üçin ähli buýruklarymy saňa bererin.

### *Hantagta*

23 Akasiýa agajyndan hantagta ýa-
sat. Onuň uzynlygy iki tirsek, ini bir
tirsek we beýikligi bir ýarym tirsek
bolsun. 24 Ony sap altyna gapla we daş-
töweregine altyndan jähek salsynlar.
25 Hantagtanyň gyralaryna dört barmak
giňlikde gurşaw etdir we gurşawyň
daş-töweregine altyndan jähek saldyr.
26 Hantagta üçin altyndan dört sany halka
ýasat. Halkalary onuň dört künjündäki
dört aýagyna berkitsinler. 27 Hantagtany
göterip äkider ýaly halkalardan geçen
syryklary gurşawa ýakyn ýerleşdirsinler.
28 Syryklary akasiýa agajyndan ýasap,
olary altyna gapla. Hantagta şu syryk-
lar bilen göterilmelidir. 29 Ýakymly ysly
tütetgi üçin tabaklar we jamlar, sadaka
hökmünde şerap bermek üçin küýzeler
we şakäseler ýasat. Olar sap altyndan
bolsun. 30 Hemişe hantagtanyň üstünde
Maňa hödür çöregini goý.

### *Çyradan*

31 Sap altyndan çyradan ýasat. Çy-
radanyň esasy we şahasy döwme sap
altyndan bolsun. Çyradanyň gülkä-
sesi, gül-gunçasy we gülýapragy özi
bilen bir bitewi bolsun. 32 Çyradanyň
her gapdalyndan üç şaha çykyp, onuň
jemi alty şahasy bolsun. 33 Şahalarda
badam gülüniň şekilinde gülkäse bol-
sun. Gül-gunçasy bilen gülýapragyny
hem ýasaň. Beýleki şahalarda hem hut
şunuň ýaly bolsun, umuman, alty şaha-
nyň hemmesini bir meňzeş edip ýasaň.
34 Çyradanyň ortasyndaky şahada badam
gülüne meňzeş dört sany gülkäse bolup,
olaryň hem gül-gunçasy we gülýapragy
bolsun. 35 Her jübütiň astynda bir gunça
bolup, hemmesi bilelikde jemi alty şaha
çyksyn. 36 Çyradanyň gunçalaryny we
şahalaryny bir bitewi edip ýasat. Onuň
tutuş özi döwme sap altyndan ýasalsyn.
37 Çyradan üçin ýedi çyra dak. Çyralar
çyradanyň öňüne ýagty saçar ýaly, olary
onuň depesine dak. 38 Onuň müçenegi we
nowasy sap altyndan bolsun. 39 Çyradan
we oňa degişli ähli enjamlar bir ýarym
batman[b] sap altyndan ýasalsyn. 40 Ine,
sen bularyň hemmesini dagda saňa gör-
keziljek nusganyň esasynda ýasarsyň.

---

[a] **25:18** ***Kerup*** – perişdeleriň bir görnüşi. Sözlüge seret.

[b] **25:39** ***Bir ýarym batman*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.

### 26-njy bap

*Mukaddes çadyr*

1 Bulardan başga-da, sen on perdeden
ybarat mukaddes çadyr ýasat. Perdeler
zygyr matadan, gök, badam, gyrmyzy
ýüplükden edilen bolsun. Ussat keşde-
çiler olaryň ýüzüne owadanlap kerubyň
şekilini nagyşlap çeksinler. 2 Her per-
däniň uzynlygy ýigrimi sekiz tirsek,
ini dört tirsek bolup, ähli perdeleriň
ölçegi bir meňzeş bolsun. 3 Bäş perde
bir aýry, beýleki bäş perde hem bir aýry
edilip çatylsyn. 4 Birinji bäş perdäniň
iň soňkusynyň ujuna gök halka ýasa,
ikinji bäş perdäniň hem iň soňkusy-
na şeýle edilsin. 5 Birinji toplumyň iň
soňkusynyň ujuna elli sany halka ýasa
we ikinji toplumyň soňkusyna-da elli
halka ýasasynlar. Halkalar biri-biriniň
garşysynda ýerleşsin. 6 Altyndan elli
sany ildirgiç ýasat we perdeleri ildirgiç
bilen biri-birine berkitdir. Şonda çadyr
tutuş bir bitewi bolar.
7 Şeýle hem, geçiniň ýüňünden edilen
on bir perdeden ybarat mukaddes çady-
ryň daşky örtügini ýasasynlar. 8 Daşky
örtügiň perdesiniň uzynlygy otuz tirsek,
ini dört tirsek bolsun. On bir perdäniň-de
ölçegi deň bolsun. 9 Perdeleriň bäşisini
biri-birine çatsynlar, galan altysyny hem
şeýle etsinler. Altynjy perdäni çadyryň
öň tarapynda iki gatlaň. 10 Birinji toplu-
myň ortasyndan iň soňkusynyň ujuna
elli sany halka ýasaň, ikinji toplumyňka
hem şeýle ediň.
11 Soňra bürünçden elli sany ildirgiç
ýasat. Ildirgiçleri halkadan geçirip, çady-
ry birleşdir, şonda çadyr tutuş bir bitewi
bolar. 12 Perdeleriň galan bölegi, ýagny
galan ýarysy çadyryň arka tarapyndan
asylyp dursun. 13 Çadyryň perdeleriniň
her iki gapdaly bir tirsek uzyn bolsun.
Soňra näme artykmaç galsa, olary her
iki tarapyndan çadyry örtmek üçin asyň.
14 Çadyr üçin goçuň eýlenen derisinden
ýapynja ýasaň, onuň daşky örtügi üçin
saýlama deriden ýene bir ýapynja ýasaň.
15 Mukaddes çadyr üçin akasiýa aga-
jyndan dikligine çarçuwalar ýasat. 16 Her
çarçuwanyň uzynlygy on tirsek, ini
bir ýarym tirsek bolsun. 17 Çarçuwa-
lary biri-birine sepleşdirip durar ýaly,
her çarçuwada iki sany gazyk bolsun.
Çadyryň ähli çarçuwalary üçin şeýle
edilsin. 18 Mukaddes çadyr üçin çarçu-
walary ine şeýle ýasaň: günorta tarapy
üçin ýigrimi sany çarçuwa ýasap, 19 şol
ýigrimi çarçuwanyň aşagyndan kyrk
sany kümüşden daban ýasasynlar. Her
çarçuwanyň aşagyndan onuň gazygy
üçin iki sany daban bolsun. 20 Çady-
ryň ikinji, demirgazyk tarapy üçin hem
ýigrimi çarçuwa ýasaň. 21 Olaryň hem
her çarçuwa ikiden, jemi kyrk sany kü-
müşden dabany bolsun. Her çarçuwanyň
aşagyndan iki daban bejert. 22 Çadyryň
ýeňsesi bolan günbatar tarapy üçin alty
çarçuwa ýasaň. 23 Çadyryň arka tarapyn-
daky burçlar üçin iki çarçuwa ýasaň.
24 Olar aşakdan hem, ýokardan hem bir
halka birleşen bolmaly. Olaryň ikisi-de
şeýle edilsin we olar iki burçy emele
getirsin. 25 Şeýdip, sekiz sany çarçuwa
bolup, her çarçuwanyň aşagyndan iki
daban ýasalyp, jemi on alty sany kü-
müşden dabany bolsun.
26 Akasiýa agajyndan syryklar ýasat.
Çadyryň bir tarapyndaky çarçuwalar
üçin bäş syryk, 27 beýleki tarapyndaky
çarçuwalar üçin hem bäşisini we arka
tarapy bolan günbataryndaky çarçuwalar
üçin bäşisini ýasasynlar. 28 Çarçuwalaryň
ortasyndan geçýän syryk çadyryň bir
ujundan beýleki ujuna çenli geçmelidir.

29 Çarçuwalary altyna gaplat. Taýaklary
saklar ýaly altyndan halkalar ýasat. Sy-
ryklary hem altyna gaplat. 30 Mukaddes
çadyry dagda saňa görkezilen nusganyň
esasynda gur.

31 Gök, badam, gyrmyzy ýüplükden we
nepis zygyr matadan tuty ýasat. Onuň
ýüzüne owadanlap kerubyň şekilini
nagyşlap çeksinler. 32 Tutyny asmak
üçin, akasiýa agajyndan dört sany sü-
tün ýasat. Olary altyn bilen gaplaň. Bu
sütünler üçin altyndan ildirgiçler ýasaň
we kümüşden dört sany daban hem
ýasaň. 33 Tutyny ildirgiçden asyp, onuň
iç tarapyna Äht sandygyny getir. Bu
tuty siziň üçin mukaddes otag bilen iň
mukaddes otagy biri-birinden aýyrsyn.
34 Iň mukaddes otagdaky Äht sandygy-
nyň gapagyny getirip goý. 35 Hantagtany
tutynyň daş tarapynda, çadyryň demir-
gazyk tarapynda goý. Çyradany bolsa
hantagtanyň garşysynda, çadyryň gün-
orta tarapynda goý. 36 Çadyryň girelgesi
üçin gök, badam, gyrmyzy ýüplükden
we nepis zygyr matadan ýapynja ýasat.
Ol keşde bilen nagyşlansyn. 37 Bu ýa-
pynja üçin akasiýa agajyndan bäş sany
sütün dikip, olary altyna gaplat. Olaryň
ildirgiçleri hem altyndan bolsun we olar
üçin bürünçden bäş sany daban ýasat.

## 27-nji bap

### *Gurbanlyk sypasy*

1 Akasiýa agajyndan gurbanlyk sypa-
syny ýasa. Onuň uzynlygy bäş tirsek, ini
hem bäş tirsek bolsun. Gurbanlyk sypasy
dörtburç şekilinde bolup, beýikligi hem
üç tirsek bolsun. 2 Gurbanlyk sypasynyň
dört burçy-da ýokary çykyp dursun.
Şu burçlar gurbanlyk sypasy bilen bir
bitewi bolsun. Ony bürünç bilen gapla.
3 Gurbanlyk sypasy üçin kül gaplary, kül
atarlar, legenler, çarşaklar we maňňallar
ýasa. Olaryň hemmesi bürünçden bolsun.
4 Gurbanlyk sypasy üçin bürünçden torly
gözenek ýasa. Onuň dört burçunyň her-
sine bürünçden halka ýasa. 5 Halkalary
gurbanlyk sypasynyň aşaky gurşawyn-
da ýerleşdir, şonda gözenek gurbanlyk
sypasynyň ýarysyndan aşakda bolar.
6 Akasiýa agajyndan syryklar ýasa we
olary bürünç bilen gapla. 7 Gurbanlyk
sypasyny iki tarapyndan göterip äki-
der ýaly, syryklary halkalardan geçir.
8 Gurbanlyk sypasynyň daşyny tagtadan
ýasap, gutusynyň içini boş goý. Ol saňa
edil dagda görkezilişi ýaly ýasalsyn.

9 Mukaddes çadyryň haýadyny gur.
Haýadyň günorta tarapynda ýüz tirsek
uzynlykda nepis zygyr matadan perdeler
as. 10 Perdeler üçin ýigrimi sany sütün
we olary saklajak ýigrimi sany dabany
bürünçden ýasa; sütünleriň ildirgiçleri
we jähekleri kümüşden bolsun. 11 Demir-
gazyk tarapy üçin hem şeýle et. Onuň
boýuna ýüz tirsek uzynlykda perdeler
tut. Perdeler üçin ýigrimi sany sütün we
ýigrimi sany dabany bürünçden ýasa,
emma onuň ildirgiçleri we jähekleri
kümüşden bolsun. 12 Haýadyň günbatar
tarapyna elli tirsek uzynlykda perdeler
tutulsyn we ol perdeler üçin on sany sü-
tün we on sany daban ýasa. 13 Haýadyň
öň tarapy bolan gündogar tarapynyň
giňligi elli tirsek bolsun. 14 Onuň bir
tarapyna uzynlygy on bäş tirsek bolan
perdeler tut. Olaryň hem üç sütüni we
üç dabany bolsun. 15 Beýleki tarapyna
hem on bäş tirsek uzynlykda perdeler
tut, onuň-da üç sütüni we üç dabany bol-
sun. 16 Haýadyň girelgesine gök, badam,
gyrmyzy ýüplükden we nepis zygyr
matadan uzynlygy ýigrimi tirsek bolan
perdeler tut we olary nagyşlar bilen keş-
dele. Onuň dört sütüni we dört dabany

bolsun. 17 Haýadyň töweregindäki ähli
sütünler kümüş bilen jäheklensin. Onuň
ildirgiçleri kümüşden, dabanlary bü-
rünçden bolsun. 18 Haýadyň uzynlygy
ýüz tirsek, ini elli tirsek, beýikligi bäş
tirsek bolsun. Onuň nepis zygyr mata-
dan perdeleri we bürünçden dabanlary
bolsun. 19 Mukaddes çadyrda ulanylýan
ähli esbaplar, onuň ähli gazyklary we
onuň haýadynyň ähli gazyklary bü-
rünçden bolsun.

20 Ysraýyllara aýt, çyra hemişe ýanyp
durar ýaly, goý, olar saňa çyra üçin
sap zeýtun ýagyny getirsinler. 21 Çyra
Rebbe ýüz tutulýan çadyrda, Äht san-
dygynyň öňündäki tutynyň daş ýüzünde
ýanyp dursun. Harun we onuň ogulla-
ry çyrany Rebbiň huzurynda ertirden
agşama çenli ýaksynlar. Bu ysraýyllar
üçin nesilme-nesil dowam etjek ebedilik
düzgün bolsun.

## 28-nji bap

### *Ruhany geýimleri*

1 Ysraýyllaryň arasyndan agaň Haruny
we onuň ogullaryny öz ýanyňa al. Harun
we onuň ogullary Nadap, Abyhu, Elgazar
we Ytamar Maňa ruhany bolup hyzmat
etsinler. 2 Agaň Harunyň hormatyny we
owadanlygyny bezär ýaly, oňa ruhany
geýimlerini tik. 3 Meniň ukyp beren
ökde ussalarymyň hemmesine aýt: Me-
niň ruhanym bolmaga Harunyň bagyş
edilmegi üçin, onuň ruhany geýimle-
rini tiksinler. 4 Olaryň tikjek geýimleri
şulardan ybarat: gursakça, efot, don,
nagyşly uzyn köýnek, selle we guşak.
Agaň Harunyň we onuň ogullarynyň
Maňa ruhany bolup hyzmat etmekleri
üçin, bu ruhany geýimleri tikeniňizde,
5 altyn, gök, badam, gyrmyzy ýüplük
we nepis zygyr mata ulansynlar.

6 Ukyply ökde ussalar efody altyn
sapakdan, gök, badam, gyrmyzy ýüp-
lükden we nepis zygyr matadan tiksinler.
7 Her iki ujuny biri-birine baglaýan iki
sany eginbagy bolup, ol hem berkidilsin.
8 Efodyň ýüzündäki nagyşly kemer hem
edil efodyň tikilişi ýaly tikilsin, ol altyn-
dan, gök, badam, gyrmyzy ýüplükden
we nepis zygyr matadan tikilsin. 9 Iki
sany hakyk daşyny al we olaryň ýüzüne
Ysraýylyň on iki oglunyň adyny oýup
ýaz. 10 Olaryň dogluş tertibi boýunça
altysynyň adyny bir daşa, beýleki alty-
synyň adyny başga bir daşa oýup ýaz.
11 Nakgaşlaryň oýup möhür basyşy ýaly,
Ysraýylyň ogullarynyň atlaryny şu iki
daşa oýup ýaz. Olary altyn öýjüklere
oturt. 12 Ysraýylyň ogullary üçin ýatlama
bolar ýaly, bu iki daşy efodyň eginba-
gyna dak. Rebbiň huzurynda ýatlanar
ýaly, Harun olaryň atlaryny iki egninde
göterip gezsin. 13 Gaşlar üçin altyndan iki
sany öýjük ýasa. 14 Sap altyndan ýüplük
ýaly tow berlen iki sany zynjyr ýasa we
şol örme zynjyrlary gaş öýjüklere berkit.

15 Inçe nagyşlar bilen höküm gursak-
çasyny tik. Ony efot ýaly edip, altyn
sapakdan, gök, badam, gyrmyzy ýüp-
lükden we nepis zygyr matadan tik.
16 Gursakça iki gat bolup, uzynlygy bir
garyş, ini hem bir garyş, dörtburç bolsun.
17 Gursakçanyň ýüzüne dört hatar gaş dak.
Birinji hatarda goýy gyzyl, sary, zümer-
ret gaşlary; 18 ikinji hatarda pöwrize, gök
ýakut, almaz; 19 üçünji hatarda mämişi,
ak we goňur ýakut, goýy gyrmyzy ýa-
kut; 20 dördünji hatarda altyn-sary, hakyk
we ýaşyl gaşlar bolsun. Olar altyn gaş
öýjüklere oturdylsyn. 21 Ysraýylyň ogul-
larynyň atlaryna görä, gaşlar on iki sany
bolup, on iki tiräniň hersiniň ady edil
möhür basylan ýaly, her gaşyň ýüzüne
oýulyp ýazylsyn. 22 Gursakça üçin sap

altyndan ýüplük ýaly tow berlen zynjyr-
lar ýasa. 23Gursakça üçin altyndan iki
sany halka ýasa we olary onuň ýokarky
iki ujuna dak. 24Örme iki altyn zynjyry
gursakçanyň ujundaky iki halkadan geçir.
25Zynjyrlaryň beýleki iki ujuny iki gaş
öýjügine, efodyň öň tarapyndaky egin-
baglara berkit. 26Altyndan ýene iki sany
halka ýasap, olary gursakçanyň aşaky iki
içki ujuna, efodyň içki gatyna dak. 27Al-
tyndan başga ýene iki sany halka ýasap,
olary efodyň öň tarapyndaky eginbagy-
nyň aşaky bölegine berkit. Olar efodyň
nagyşly kemeriniň ýokarsynda ýerleşsin.
28Gursakça efotdan sallanyp gaçmaz ýa-
ly, onuň halkalary gök ýüp bilen efodyň
halkalaryna daňylsyn. Şonda gursakça
efodyň nagyşly kemeriniň ýüzünde du-
rar. 29Şeýlelikde, Harun mukaddes otaga
girende, ýüzünde Ysraýylyň ogullarynyň
atlary ýazylan bu höküm gursakçasyny
ýüreginiň üstünden dakyp barsyn. Şonda
Men Reb halkymy hemişe ýatlap duraryn.
30Höküm gursakçada Urymy we Tum-
mymy [a] goý. Harun Meniň huzuryma
gelende, olary ýüreginiň üstünden dakyp
gelsin. Meniň huzurymda Harun hemişe
hökümimi ysraýyllara ýetirip gezer.

31Efodyň aşagyndan geýilýän dony gök
matadan tik. 32Onuň ortasyndan kelle gi-
rip-çykar ýaly açyk ýer bolsun. Bu açyk
ýeri ýyrtylmaz ýaly, oňa gyýa aýla. 33Gök,
badam, gyrmyzy ýüplükden naryň şekil-
lerini ýasap, olary donuň etegine dak. Nar
şekilleriniň arasynda altyndan edilen jaň-
jagazlar bolsun. 34Şeýdip, nar şekilleri we
altyn jaňjagazlar biri-biri bilen başaşa dü-
zülsin. 35Harun hyzmat edýän wagty bu
dony geýsin. Ol Meniň huzuryma mukad-
des otaga girende-çykanda jaňjagazlaryň
sesi eşidilip dursun. Şonda ol ölmez. 36Sap
altyndan bezeg şaýyny ýasa. Möhür dek,
onuň ýüzüne „Rebbe bagyş edilen“ diýen
sözleri oýup ýaz. 37Bu bezegi gök sapak
bilen selläniň öň tarapyna berkit. 38Harun
muny maňlaýyna daksyn. Bu Meniň üçin
nyşan bolar: ysraýyllar Maňa bagyşlap
getiren sadakalary babatda günä eden-
lerinde, bu günä Harunyň üstünde bolar.
Şonuň üçin-de, Harun bu bezegi hemişe
maňlaýyna daksyn, şonda olar Meniň
huzurymda ýalkanarlar.

39Nepis zygyr matadan nagyşly uzyn
köýnek we selle tik. Nagyşlar bilen keş-
delenen bil guşagyny hem tik.

40Harunyň ogullarynyň hormatyny we
owadanlygyny bezär ýaly olara köýnekler,
bil guşaklar we baş daňylar tik. 41Bulary
agaň Haruna we onuň ogullaryna geýdir.
Olar Maňa ruhany bolup hyzmat etmekle-
ri üçin, olaryň başlaryna ýag guýup belle
we Maňa bagyş et. 42Ýalaňaç ýerlerini
ýapar ýaly, olara nepis zygyr matadan
bilinden buduna ýetip duran iç geýimle-
rini tik. 43Harun we onuň ogullary Rebbe
ýüz tutulýan çadyra hyzmat etmek üçin
girenlerinde ýa-da mukaddes ýerdäki gur-
banlyk sypasynyň ýanyna baranlarynda
bu geýimleri geýsinler. Şeýtseler, günäni
öz üstlerine almazlar we ölmezler. Bu
Harun üçin we onuň soňky nesilleri üçin
ebedilik düzgün bolsun.

## 29-njy bap

### *Harun we onuň ogullary ruhanylyga bagyş edilýär*
*(Lewiler 8:1-36)*

1Harun we onuň ogullary Meniň ru-
hanylarym bolup hyzmat etmekleri üçin,

---

[a] **28:30** ***Urym we Tummym*** – Hudaýyň islegini bilmek üçin ruhanylar tarapyndan ulanylan iki sany daş. Sözlüge seret.

olary Maňa şeýle bagyş et: bir sany
ýaş öküzçe we hiç bir şikessiz iki sany
goç al. 2 Petir, ýaga ýugrulan külçe we
ýüzüne ýag çalnan ýuka petir bişir. Ola-
ryň hemmesini bugdaý unundan bişir.
3 Olary bir sebede salyp getir, şeýle hem,
öküzi we iki goçy hem getir. 4 Haruny
we onuň ogullaryny Maňa ýüz tutul-
ýan çadyryň girelgesine getir we olary
suw bilen ýuwundyr. 5 Soňra ruhany
geýimleri bolan uzyn köýnegi, dony,
efody we gursakçany getirip, Haruna
geýdir. Efodyň nagyşly kemerini dak.
6 Onuň başyna selläni geýdir. Sellesine
mukaddes ýazgyny berkit. 7 Mesh ýagy
alyp, onuň başyna guý. Şeýdip ony saýla.
8 Soňra onuň ogullaryny getir we olara
hem uzyn köýnekleri geýdir. 9 Olara bil
guşaklaryny daň we başdaňylaryny daň.
Haruny we onuň ogullaryny ruhany edip
belle. Ruhançylyk olar üçin ebedilik
düzgün bolsun. 10 Maňa ýüz tutulýan
çadyryň öňüne öküzi getir. Harun we
onuň ogullary ellerini öküziň kellesine
goýsunlar. 11 Maňa ýüz tutulýan çadyryň
girelgesinde, Meniň huzurymda öküzi
soý. 12 Öküziň ganyndan alyp, barma-
gyň bilen gurbanlyk sypasynyň ýokary
çykyp duran burçlaryna çal. Galan ga-
nyň hemmesini gurbanlyk sypasynyň
düýbüne dök. 13 Içýagynyň hemmesini
al, bagryň ýüzündäki ýagly perdäni, iki
böwregini daşynyň ýagy bilen al. Ola-
ry gurbanlyk sypasynda ýak. 14 Emma
öküziň läşini, onuň derisini, içgoşu-
ny düşelgäniň daşynda ýak. Bu günä
gurbanlygydyr.

15 Soňra goçlaryň birini al. Harun we
onuň ogullary goçuň kellesine ellerini
goýsunlar. 16 Goçy soýup, ganyny al
we ony gurbanlyk sypasynyň çar ta-
rapyna serp. 17 Soň goçy böleklere böl.
Onuň içgoşlaryny we aýaklaryny ýuwup,
kellesini bir aýry, aýaklaryny bir aýry
edip goý. 18 Gurbanlyk sypasynyň üstün-
de tutuş goçy ýak. Bu Meniň üçin ýakma
gurbanlygydyr. Ot üsti bilen berilýän bu
gurbanlygyň ýakymly ysy Maňa ýaraýar.

19 Beýleki goçy al. Harun we onuň
ogullary ellerini goçuň kellesine goý-
sunlar. 20 Goçy soýup, ganyny al. Ony
Harunyň we onuň ogullarynyň sag gu-
laklarynyň ýumşak ýerine çal. Şeýle
hem, olaryň sag elleriniň we sag aýak-
larynyň başam barmaklaryna çal. Galan
gany bolsa gurbanlyk sypasynyň çar
tarapyna serp. 21 Soňra gurbanlyk sy-
pasynyň üstündäki gandan alyp, mesh
ýagyny hem alyp, olary Harunyň hem
onuň ogullarynyň üstüne we geýim-
lerine sepele. Şeýdip, Harun we onuň
geýimleri, şeýle hem onuň ogullary we
olaryň geýimleri Maňa bagyş ediler.

22 Şeýle hem, goçuň ýagyny, guýruk
ýagyny, içýagyny, bagryň ýüzündäki
ýagly perdäni, iki böwregini daşynyň
ýagy bilen we sag buduny al. (Çünki
bu goç ruhançylyga bellemek üçindir.)
23 Meniň huzurymdaky çörekler salnan
sebetden bir petir, ýaga ýugrulan bir
külçe we bir sany hem ýüzüne ýag çal-
nan ýuka petir al. 24 Olaryň hemmesini
Harunyň we onuň ogullarynyň aýasy-
na ýerleşdir. Meniň huzurymda olary
göterme sadakasy hökmünde ýokary
galdyr. 25 Soňra bulary olaryň elinden
alyp, ýakma gurbanlygynyň üstünde
goýup ýak. Huzurymda ot üsti bilen
berilýän bu gurbanlygyň ýakymly ysy
Maňa ýaraýar.

26 Haruny ruhançylyga bellemek üçin,
soýlan goçuň döşüni al we ony Meniň
huzurymda göterme sadakasy edip ýo-
kary galdyr. Ol döş seniň paýyň bolar.
27 Ruhançylyga bellemek üçin soýlan
goçuň döşüni göterme sadakasy we

buduny üwreme sadakasy hökmünde
Maňa bagyş et. Bular Haruna we onuň
ogullaryna berilmelidir. 28 Bu ysraýyl
halkyndan Haruna we onuň ogullaryna
ebedilik paý hökmünde berilsin. Çünki
bu sadaka ysraýyllaryň Reb üçin berýän
salamatlyk sadakasyndan alyp, ruhany-
lara berilýän sadaka bolsun.

29 Harunyň mukaddes lybasy özün-
den soň ogullaryna galsyn. Olar şol
geýimlerde başlaryna ýag çalnyp, ruha-
nyçylyga bellensinler. 30 Harunyň ýerine
ruhany bolan ogly ol geýimleri Maňa
ýüz tutulýan çadyra gelip, mukaddes
otagda hyzmat edýän wagty geýsin.

31 Ruhanyçylyga bellemek üçin soýlan
goçy alyp, onuň etini mukaddes ýerde
gaýnadyň. 32 Maňa ýüz tutulýan çadyryň
girelgesinde Harun we onuň ogullary
goçuň etini we sebetdäki çöregi iýsinler.
33 Ruhanyçylyga bellenip, özlerini bagyş
etmekleri üçin, bu günäden saplama
gurbanlygynyň naharyndan özleri iý-
sinler. Emma bulardan başga hiç kim
mundan iýmeli däldir, sebäbi bu nahar
mukaddesdir. 34 Eger ruhanyçylyga bel-
lemek üçin soýlan malyň etinden ýa-da
çörekden iýilmän ertir daňdana galsa,
ony otda ýakyň. Ol iýilmeli däldir, se-
bäbi ol mukaddesdir.

35 Haruny we onuň ogullaryny edil
Meniň buýruşym ýaly, ýedi günden soň
Maňa ruhanyçylyga belle. 36 Şeýle hem,
günäden saplanmak üçin, her gün bir
öküzi günä gurbanlygy edip ber. Gur-
banlyk sypasyny päklemek üçin, günä
gurbanlygyny ber we onuň üstüne ýag
guýup mukaddes et. 37 Gurbanlyk sypasy
üçin ýedi günläp päkleme geçirip, ony
mukaddes et. Şonda gurbanlyk sypasy
iň mukaddes bolar. Ony ellän kişi hem
mukaddes bolar.

***Gündelik gurbanlyklar***
*(Lewiler 6:8-13; Çölde 28:1-8)*

38 Ine, gurbanlyk sypasynda ýakyp
bermeli gündelik gurbanlyklaryňyz:
iki sany birýaşar tokly. 39 Olaryň biri-
ni ertirine, beýlekisini agşamyna soý.
40 Birinji tokly bilen bir okara [a] saýlama
bugdaý ununa bir küýze [b] zeýtun ýagyny
garyp ber. Bir küýze şerap guýup, içgi
sadakasy üçin ulanyň. 41 Agşamyna hem
ertirine edişiň ýaly et. Beýleki toklyny
soýup, onuň bilen hamyr we şerap ber.
Ot üsti bilen berilýän bu gurbanlygyň
ýakymly ysy Maňa ýaraýar. 42 Huzu-
rymdaky Maňa ýüz tutulýan çadyryň
girelgesinde bu adaty ýakma gurbanly-
gyny nesilme-nesil ýerine ýetir. Siziň
bilen gepleşmek üçin, ol ýerde Men
siziň bilen duşuşaryn. 43 Ol ýerde Men
ysraýyllar bilen duşuşaryn. Ol ýer Meniň
şöhratym bilen mukaddes bolar. 44 Ma-
ňa ýüz tutulýan çadyry we gurbanlyk
sypasyny mukaddes ederin. Şeýle hem,
Maňa ruhany bolup hyzmat etmekleri
üçin, Haruny we onuň ogullaryny Özü-
me bagyş ederin. 45 Men ysraýyllaryň
arasynda ýaşaryn we olaryň Hudaýy
bolaryn. 46 Aralarynda ýaşamak üçin
olary Müsürden alyp çykan olaryň Huda-
ýy Rebbiň Mendigimi bilsinler. Olaryň
Hudaýy Reb Mendirin.

## 30-njy bap

***Ýakymly ysly tütetgi üçin sypa***

1 Ýakymly ysly tütetgi üçin akasiýa aga-
jyndan sypa ýasa. 2 Onuň uzynlygy-da,

[a] **29:40** ***Bir okara*** – ýewreýçe *efanyň ondan biri*. Bu takm. 2 kg deňdir.
[b] **29:40** ***Bir küýze*** – ýewreýçe *hiniň dörtden biri*. Bu takm. 1 litre deňdir.

ini-de bir tirsek bolup, ol dörtburç bol-
sun. Onuň beýikligi iki tirsek bolup,
çykyp duran burçlary bilen bile tutuş
bir bitewi edilsin. 3 Onuň depesini, ähli
taraplaryny we burçlaryny sap altyna
gapla. Onuň daş-töweregine altyndan
jähek çek. 4 Onuň üçin altyndan iki sany
halka ýasa we olary jähegiň aşagyndan
biri-birine garşy edip, iki tarapyna dak.
Sypany göterip gider ýaly, ol halkalar-
dan syryklar geçir. 5 Syryklary akasiýa
agajyndan ýasa we olary altyna gapla.
6 Sypany Äht sandygynyň ýanyndan
asylgy tutynyň öňünde ýerleşdir. Ony
Äht sandygynyň gapagynyň dogrusyn-
da goý, çünki Men ol ýerde seniň bilen
duşuşaryn. 7 Her gün irden Harun çy-
rany arassalap ýaglamaga gelende, bu
sypanyň üstünde ýakymly ysly tütetgi
ýaksyn. 8 Ol agşam çyrany ýakmaga
gelende-de şeýle etsin. Siz bu ýakymly
ysly tütetgini Meniň huzurymda hemişe
nesilme-nesil etmelisiňiz. 9 Bu sypada
başga hiç hili tütetgi ýakylmasyn, ýakma
gurbanlygy ýa-da galla sadakasy be-
rilmesin we onuň üstüne içgi sadakasy
guýulmasyn. 10 Ýylda bir gezek Harun
onuň burçlarynda günäden saplanma
gurbanlygyny bersin. Günäden sap-
lanmak üçin öldürilen malyň ganyny
döküp, ýylda bir gezek nesillerboýy
günä gurbanlygyny ber. Sypa Rebbe
bagyş edilendir».

### Mukaddes çadyr üçin salgyt

11 Reb Musa şeýle diýdi: 12 «Ysraýylla-
ryň hasabyny almak üçin, ilat sanawyny
geçir. Hasaba alnanlaryň hemmesi öz
jany üçin Maňa töleg tölesin. Şonda töleg
töläp hasaba alnan adamlaryň başyna hiç
hili bela inmez. 13 Ine, hasaba alnanlaryň
tölemeli zady: mukaddes öýüň resmi
ölçegi boýunça ýarym şekel kümüş. Bir
şekel iki mysgala [a] deňdir. Maňa sadaka
hökmünde ýarym şekel kümüş bersinler.
14 Hasaba alnanlaryň ýaşy ýigrimi we
ondan ýokary bolan adamlaryň her biri
şu mukdarda Maňa sadaka bersin. 15 Ba-
ýam, garybam şol ýarym şekeli tölesin.
Töleg şundan az-da bolmasyn, köp-de.
Siz şu sadakany Maňa bereniňizde, gü-
näňizden saplanarsyňyz. 16 Ysraýyllaryň
günälerinden saplanmagy üçin, olardan
pul ýygna we ony Maňa ýüz tutulýan
çadyryň hyzmaty üçin sarp et. Jany
üçin töleýän tölegi Meniň huzurymda
ysraýyllara ýatlama bolar».

### Bürünç legen

17 Reb Musa ýene-de şeýle diýdi: 18 «Ýu-
wunmak üçin bürünçden legen ýasa.
Onuň sütüni hem bürünçden bolsun.
Ony Maňa ýüz tutulýan çadyr bilen
gurbanlyk sypasynyň ortasynda goý we
içine suw guý. 19 Şol suw bilen Harun we
onuň ogullary ellerini we aýaklaryny
ýuwsunlar. 20 Olar Maňa ýüz tutulýan
çadyra girenlerinde ýa-da gurbanlyk
sypasynda ot üsti bilen Maňa gurbanlyk
bermäge gelenlerinde, şol suw bilen ýu-
wunsynlar. Şonda olar ölmezler. 21 Olar
şol suw bilen ellerini, aýaklaryny ýuw-
sunlar, şonda olar ölmezler. Bu Harun
üçin we onuň nesilleri üçin arkama-arka
gaýtalanýan ebedilik düzgün bolsun».

### Mesh ýagy

22 Reb Musa şeýle diýdi: 23 «Ine, şu
iň gowy hoşboý ysly zatlary al: ýarym
put [b] mukdarda suwuk mür, çärýek

[a] **30:13** ***Iki mysgal*** – ýewreýçe *ýigrimi gera*. Bu takm. 10 gr deňdir.
[b] **30:23** ***Ýarym put*** – ýewreýçe *bäş ýüz şekel*. Bu takm. 6 kg deňdir.

put[a] mukdarda ýakymly ysly dalçyn
we ýene-de çärýek put mukdarda hoş-
boý ysly gamyş, 24ýarym put mukdarda
hindi dalçynyny al. Bularyň hemmesi
mukaddes öýüň resmi ölçegi bilen öl-
çensin we dört küýze[b] zeýtun ýagyny
al. 25Ussatlyk bilen garyp, bulardan
mesh ýagyny ýasa. Bu mukaddes mesh
ýagydyr. 26-28Maňa ýüz tutulýan çadyra,
Äht sandygyna, hantagta we onuň ähli
enjamlaryna, çyradana we onuň ähli
enjamlaryna, tütetgi sypasyna, ýakma
gurbanlyk sypasyna we onuň ähli enjam-
laryna, legene we onuň sütünine şu ýagy
sepele. 29Olary mukaddes et, şonda olar
iň mukaddes zatlar bolar. Olara galtaşan
hem mukaddes bolar. 30Haruny we onuň
ogullaryny ruhanylarym bolup hyzmat
etmekleri üçin, başlaryna ýag guýup,
Maňa bagyş et. 31Ysraýyllara aýt: Bu
siziň üstüňiz bilen nesilme-nesil geç-
ýän Meniň mukaddes mesh ýagymdyr.
32Bu mesh ýagyny adaty bedeniňize
guýmak üçin ulanmaly däldir, başga
her hili zatlar bilen garyşdyrmaly däl-
dir. Bu mukaddesdir we siziň üçin hem
mukaddes bolmalydyr. 33Ruhanydan
başga kimde-kim şonuň ýaly atyr ýasasa
we biriniň üstüne guýsa, öz halkynyň
arasyndan kowlup çykarylar».

### *Tütetgi*

34Reb Musa şeýle diýdi: «Hoşboý ysly
zatlary: balzamy, onikany, galbanumy
we ýakymly ysly tütetgini al. (Bularyň
hemmesi deň möçberde bolsun.) 35Atyr
ýasaýjy garyp, olardan hoşboý ysly tü-
tetgi ýasa. Oňa duz hem goş, ol sap we
mukaddes bolsun. 36Onuň bir bölegini
külkeläp, siziň bilen duşuşýan ýerim
bolan Äht sandygynyň öňündäki Ma-
ňa ýüz tutulýan çadyrda goý. Bu siziň
üçin iň mukaddes bolar. 37Şu usul bilen
özüňiz üçin tütetgi taýýarlamaň. Mu-
ny Men-Rebbe bagyş edilen hasaplaň.
38Kim muny atyr hökmünde ulansa, öz
halkynyň arasyndan kowlup çykarylar».

## 31-nji bap

### *Mukaddes çadyr üçin ussalar*

1Reb Musa şeýle diýdi: 2«Ine, Men
ýahuda tiresinden Huruň agtygy, Ury-
nyň ogly Besaleli saýladym. 3Men ony
Öz Ruhum bilen doldurdym. Her dürli
senet işinde Men oňa ukyp, akyl-paýhas
we başarjaňlyk berdim. 4Ol ökde nakgaş
bolup, altyna-kümşe we bürünje dürli
nagyşlar salsyn. 5Daşlary oýup gaşla-
ry goýmakda, agaç ýonmakda, her hili
ussaçylyk işinde oňa ussatlyk berdim.
6Şeýle hem, Besalel bilen işlär ýaly, Men
dan tiresinden Ahysamagyň ogly Oho-
lyýaby hem saýladym. Men ähli ökde
ussalara-da ukyp berdim. Şeýlelikde,
olar Meniň saňa buýran şu ähli zatla-
rymy ýasasynlar: 7Maňa ýüz tutulýan
çadyr, Äht sandygy we onuň üstüniň
gapagy, çadyryň ähli esbaplary, 8han-
tagta we onuň enjamlary, sap altyndan
edilen çyradan we onuň ähli enjamlary,
tütetgi sypasy, 9ýakma gurbanlyk sypasy
we onuň ähli enjamlary, legen we onuň
sütüni, 10şeýle hem, nagyşlar bilen keş-
delenen geýimler, ruhany bolup gulluk
edenlerinde geýmek üçin, Haruna we
onuň ogullaryna niýetlenen mukaddes
lybaslary, 11mesh ýagy we mukaddes öý
üçin ýakymly ysly tütetgi. Olar bulary
edil Meniň saňa buýruşym ýaly etsinler».

[a] **30:23** ***Çärýek put*** – ýewreýçe *iki ýüz elli şekel*. Bu takm. 3 kg deňdir.
[b] **30:24** ***Dört küýze*** – ýewreýçe *bir hin*. Bu takm. 4 litre deňdir.

### *Sabat güni*

12 Reb Musa ýene-de şulary diýdi:
13 «Seniň özüň ysraýyllara aýt, goý, olar
Meniň Sabat günümiň kanunlaryny ýe-
rine ýetirsinler, çünki bu Men bilen siziň
araňyzdaky ähtiň geljekki nesilleriňiz
boýy dowam etjek nyşanydyr. Munuň
bilen sizi mukaddes halkym eden Rebbiň
Mendigimi bilersiňiz. 14 Sabat gününiň
kanunlaryny ýerine ýetiriň, sebäbi bu
gün siziň üçin aýratyndyr. Kimde-kim
ony harlasa, ölüme höküm ediler. Şol
gün iş eden adam öz halkynyň arasyn-
dan kowlup çykarylar. 15 Alty günüň
dowamynda işleriňizi edip boluň, emma
ýedinji gün dynç alyň. Çünki ol Rebbe
bagyş edilendir. Sabat güni iş eden adam
ölüme höküm ediler. 16 Şonuň üçin hem
ysraýyllar Sabat gününiň kanunlaryny
ýerine ýetirmelidirler, nesilme-nesil ony
ebedi äht hökmünde ýerine ýetirmeli-
dirler. 17 Bu ysraýyl halky bilen Meniň
aramdaky hemişelik belgidir, çünki
Men alty günde Gögi we Ýeri ýaratdym.
Ýedinji gün bolsa hemme işden dynyp,
dynç aldym». 18 Hudaý Sinaý dagynda
Musa bilen gepleşip bolansoň, oňa ýü-
züne buýruklar ýazylan iki sany ýasy
daş bölegini berdi. Ony Hudaýyň hut
Özi ýazypdy.

## 32-nji bap

### *Altyn göle*
*(Kanun taglymaty 9:6-29)*

1 Halk Musanyň dagdan yzyna do-
lanman, ol ýerde köp eglenenini görüp,
Harunyň daşyna üýşdüler we oňa: «Öň-
başçylyk eder ýaly, hany, bize bir hudaý
ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp ge-
tiren Musa diýen adama näme bolanyny
biz bilemzok» diýdiler. 2 Harun olara:
«Aýallaryňyzyň, ogullaryňyzyň we
gyzlaryňyzyň gulaklaryndaky altyn
halkalary aýryp, maňa getirip beriň»
diýdi. 3 Şeýlelikde, olaryň hemmesi gu-
laklaryndan altyn halkalaryny aýryp,
Haruna getirip berdiler. 4 Harun galyp
etdi, olaryň altynlaryny eredip, ondan
göläniň heýkelini ýasady. Adamlar mu-
ňa: «Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden
çykaran hudaýyňyz şudur» diýişdiler.
5 Harun muny görende, onuň öňünde
gurbanlyk sypasyny ýasady we jar edip:
«Ertir Rebbiň şanyna baýramçylyk ede-
ris» diýdi. 6 Ertesi gün halk irden turup,
ýakma gurbanlygyny we salamatlyk
sadakasyny berdi. Adamlar iýip-içmä-
ge oturdylar, soňra turup oýnaşmaga
başladylar.

7 Reb Musa şeýle diýdi: «Häziriň özün-
de aşak düş! Seniň Müsürden çykaran
halkyň azgynçylyga ýüz urdy. 8 Olar
Meniň aýdan ýolumdan gaty çalt çyk-
dylar. Olar özlerine göleden but ýasap,
oňa sežde etdiler. Oňa sadaka berip: „Eý,
Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran hu-
daýyňyz şudur“ diýişdiler». 9 Reb Musa
ýene-de: «Men bu halkyň nähili boýnu-
ýogyndygyny gördüm. 10 Indi Meni ýeke
goý, çünki Men gazap atyna atlanyp,
olary ýok edip taşlaýyn we senden bir
beýik millet döredeýin» diýdi.

11 Emma Musa Hudaýy Rebbe ýalba-
ryp, şeýle diýdi: «Ýa Reb, näme üçin
beýik güýjüň bilen we gudratly goluň
bilen Müsür ýurdundan getiren bu halky-
ňa gahar edýäň? 12 Näme üçin müsürliler:
„Hudaý olary dagda öldürmek üçin we
ýer ýüzünden süpürip taşlamak üçin
erbet niýet bilen alyp gaýdypdyr“ diý-
meli? Gahar oduňy öçür, gaýtmyşym
et. Öz halkyňyň üstünden bu bela-be-
teri inderme. 13 Öz gullaryň Ybraýymy,
Yshagy we Ysraýyly ýadyňa sal. Seniň

Özüň olara: „Men siziň nesilleriňizi
asman ýyldyzlary deý köpelderin we
nesilleriňize söz beren bu ähli ýeri si-
ze berjek. Olar ony müdimilik miras
alarlar“ diýipdiň». 14 Şundan soň, Reb
halkynyň üstünden bela-beter indermek
pikirinden el çekdi.

15 Soňra Musa eline äht ýazylan iki
sany ýasy daş bölegini alyp, dagdan
aşak gaýtdy. Bu ýasy daş bölekleriniň
hersiniň iki tarapyna-da: öň tarapyna
hem, arka tarapyna hem ýazylandy. 16 Bu
ýasy daşlar Hudaýyň işidi. Ýasy daşla-
ryň ýüzündäki oýulyp ýazylan ýazgylar
Hudaýyň ýazgylarydy. 17 Ýeşuwa halkyň
gygyryşýan gykylygyny eşidip, Musa:
«Düşelgeden urşuň sesi gelýär» diýdi.
18 Emma Musa: «Bu ses ýeňijileriň sesem
däl, ýeňlenleriňki hem däl. Bu eşidýä-
nimiz aýşy-eşretiň sesidir!» diýdi. 19 Ol
düşelgä ýakyn gelen badyna, göläni we
tans edip ýören adamlary gördi. Musa
gahar-gazaba münüp, elindäki ýasy daş
bölekleri zyňyp goýberdi, olar dagyň
eteginde çym-pytrak boldy. 20 Musa ola-
ryň ýasan gölesini alyp, otda eretdi, soň
ony külkeläp, suwa gardy-da, ondan
ysraýyllara içirdi.

21 Musa Haruna: «Bu halka beýle uly
günä gazandyrar ýaly, bular saňa näme
etdiler?» diýdi. 22 Harun oňa: «Jenabym,
maňa gaharyň gelmesin, bu halkyň päli-
niň bozukdygyny özüň bilýärsiň-ä. 23 Olar
maňa: „Öňbaşçylyk eder ýaly, bize hudaý
ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp geti-
ren Musa diýen adama näme bolanyny
bilemzok“ diýdiler. 24 Şeýdip, men olardan
kimde altyn bar bolsa, maňa getirip ber-
megini soradym. Olary alyp, otda eretdim,
ondan hem şu göle emele geldi!» diýdi.

25 Musa Harunyň bu halky başyna goý-
berendigini gördi, olar duşmanlarynyň
öňünde gülküdiler. 26 Soňra Musa düşel-
gäniň girelgesinde durup: «Kimde-kim
Rebbiň tarapynda bolsa meniň ýanyma
gelsin!» diýdi. Ähli lewiler onuň daşyna
üýşdi. 27 Musa olara: «Ysraýyl Hudaýy
Reb şeýle diýýär: „Siziň hemmäňiz gy-
lyçlaryňyzy dakynyň! Siziň her biriňiz
düşelgeleriň bir çetinden beýleki çetine
çenli gapyma-gapy aýlanyp, öz garyn-
daşyňyzy, dostuňyzy we goňşyňyzy
öldüriň“» diýdi. 28 Lewiler Musanyň buý-
ruşy ýaly etdiler. Şol gün üç müňe golaý
adam heläk boldy. 29 Musa lewilere: «Şu
gün siz Rebbiň gullugyna bellendiňiz.
Her biriňiz öz ogluňyzy we garynda-
şyňyzy öldürip, bu gün siziň özüňiz
ýalkandyňyz» diýdi.

30 Ertesi gün Musa halka: «Siz agyr gü-
nä gazandyňyz. Emma men häzir Rebbiň
ýanyna çykaýyn, belki, sizi günäňizden
sapladyp bilerin» diýdi. 31 Şeýdip, Musa
Rebbiň ýanyna gaýdyp geldi we Oňa:
«Wah, bu halk özüne altyndan göle ýa-
sap, agyr günä etdi. 32 Ýöne indi Sen
bularyň günälerini geçeweri, ýogsa-da
meniň adymy Öz adamlaryňyň ady
ýazylan kitabyňdan öçür» diýdi. 33 Reb
Musa: «Kimde-kim Maňa garşy günä
etse, onuň adyny kitabymdan öçürip
taşlaryn. 34 Indi bar, git-de, halky saňa
aýdan ýerime äkit. Meniň perişdäm se-
niň öňüňden gitjekdir. Emma jeza güni
gelende, Men olaryň eden günälerine
görä jezasyny bererin» diýdi.

35 Şeýlelikde, Reb halkyň üstünden
betbagtçylyk inderdi, sebäbi olar Haruna
göle ýasatdyrypdylar.

## 33-nji bap

### *Reb Sinaý dagyndan gitmegi buýurýar*

1 Reb Musa: «Baryň, bu ýeri taşlap
gidiň. Sen we Müsürden getiren halkyň

Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň ne-
sillerine Meniň wada beren ýerime gidiň.
2 Men siziň öňüňizden perişde ibererin
we kenganlary, amorlary, hetleri, pe-
rizleri, hiwileri we ýabuslary kowup
çykararyn. 3 Süýt we bal akýan baý top-
rakly ýurda gidiň. Emma Men siziň bilen
gitjek däl, ýogsam siziň boýnuýogyn
halkdygyňyz üçin, Men sizi ýolda ýok
edip taşlaryn» diýdi.
4 Halk bu ýakymsyz sözleri eşidip
ýas tutdy, hiç kim şaý-sep dakynmady.
5 Çünki Reb Musa: «Ysraýyllara aýt, olar
boýnuýogyn halk, Men ýekeje pursat
hem olar bilen bile gitsem, olary ýok
edip taşlaryn. Şonuň üçin hem indi olar
şaý-seplerini dakynmasynlar. Men olara
näme etmelisini çözeýin» diýdi. 6 Şol
sebäpli ysraýyllar şaý-sep dakynmala-
ryny goýdular. Olar Horep[a] dagyndan
çykyp gaýtdylar.

### *Rebbe ýüz tutulýan çadyr*

7 Musa düşelgäniň daşynda, ondan
uzagrakda çadyr dikdi, ony Rebbe ýüz
tutulýan çadyr diýip atlandyrdy. Kim-
de-kim Rebden maslahat soramak islese,
şol çadyra baryp bilýärdi. 8 Musa her
gezek çadyra tarap ýörän wagty, ähli
halk ýerinden turup, dik durardy. Musa
tä çadyryň içine girýänçä, olaryň her-
si öz çadyrlarynyň girelgesinde, onuň
yzyndan seredip durardylar. 9 Musa ça-
dyra girende, bulut sütüni aşak düşüp,
çadyryň girelgesinde durardy we Reb
Musa bilen gepleşerdi. 10 Bulut sütüniniň
çadyryň girelgesinde duranyny görende,
tutuş halk çadyrlarynyň girelgesinde
durup sežde ederdiler. 11 Reb Musa bilen
edil iki dostuň biri-biri bilen gepleşişi
ýaly, ýüzbe-ýüz gepleşerdi. Soňra Musa
düşelgä gaýdyp gelerdi, emma onuň ýaş
kömekçisi Nunuň ogly Ýeşuwa çadyrda
galardy.

### *Reb halky bilen bile bolmaga söz berýär*

12 Musa Rebbe şeýle diýdi: «Ine, Sen
maňa bu halky äkit diýdiň, ýöne meniň
bilen kimi iberjekdigiňi aýan etmediň.
Sen maňa: „Men seniň adyňy gowy tana-
ýaryn, sen Meniň nazarymda merhemet
tapdyň“ diýdiň. 13 Eger men dogrudan-da,
Seniň göwnüňden turan bolsam, maňa
Öz ýollaryňy görkez. Şonda men Seni
gowy tanap, nazaryňda ýene-de merhe-
met taparyn. Ýatdan çykarma, bu millet
Seniň Öz halkyňdyr». 14 Reb Musa: «Men
seniň bilen giderin we saňa parahatçylyk
bererin» diýdi. 15 Musa hem Oňa: «Eger
Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi bu
ýerden gitmeli etme. 16 Eger biziň bilen
gitmeseň, onda meniň we halkyňyň
Seniň öňüňde merhemet gazanandygy
nädip bilinsin? Şonuň üçin hem meniň
we halkyňyň ýer ýüzündäki ähli halk-
lardan aýratyndygymyzy görkez» diýdi.
17 Reb Musa: «Men seniň edil soran
zadyňy ederin, sebäbi sen Meniň naza-
rymda merhemet tapdyň we Men seniň
adyňy gowy tanaýaryn» diýdi. 18 Musa:
«Ýalbarýan, maňa şöhratyňy görkezäý»
diýdi. 19 Reb oňa: «Men siziň öňüňizden
bütin şan-şöhratym bilen geçerin we
siziň öňüňizde Reb adymy jar ederin.
Men islän adamyma merhemet, islän
adamyma hem rehim-şepagat ederin.
20 Ýöne sen Meniň ýüzümi görmeli däl-
siň, çünki Meni gören kişi diri galmaz»
diýdi. 21 Reb sözüni dowam edip: «Ine,
Meniň gapdalymdaky şu gaýanyň üs-
tünde dur. 22 Meniň şöhratym geçýänçä,

[a] **33:6** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

Men seni gaýanyň jaýrygynda goýjak we Men geçýänçäm, seni elim bilen büräp duraryn.
23 Soňra Men elimi aýraryn welin, sen Meniň arkamy görüp bilersiň. Emma Meniň ýüzüm görülmeli däldir» diýdi.

## 34-nji bap

### *Reb täzeden ysraýyllar bilen äht baglaşýar*

1 Reb Musa: «Öňkä meňzeş edip, iki sany ýasy daş ýasa. Men olaryň ýüzüne şol seniň birinji döwen ýasy daşlaryň ýüzündäki sözleri ýazjak.
2 Säher bilen taýýar bol. Sinaý dagyna çykyp, dagyň depesinde Meniň huzurymda dur.
3 Seniň bilen hiç kim daga çykmasyn. Tutuş dagyň üstünde bir adam hem görünmesin. Dowarlaryňyzy, sygyrlaryňyzy hem dagyň eteginde bakmaň» diýdi.
4 Şeýdip, Musa öňkä meňzeş edip, ýene-de iki sany ýasy daş bölegini ýasady. Rebbiň buýruşy ýaly, ol säher bilen turup, Sinaý dagyna çykdy. Ol eline iki ýasy daş bölegini hem aldy.
5 Reb bulut içinde aşak inip, Musanyň ýanynda durdy-da: «Men – Reb!» diýip, Öz adyny yglan etdi.
6 Reb Musanyň öňünden geçip, şuny jar etdi: «Men Rebdirin, Rebdirin! Rehimli we merhemetli Hudaýdyryn. Men giň göwünli, örän wepaly, sadyk söýgä baýdyryn.
7 Müňlerçe nesillere sadyk söýgimi görkezerin. Etmişi, ýazygy we günäni bagyşlaýaryn. Ýöne günälini jezasyz hem goýmaýaryn. Atalarynyň etmişiniň jezasyny çagalaryna, olaryň çagalarynyň çagalaryna, olaryň üçünji we dördünji arkasyna çekdirerin».
8 Musa derrew ýüzüni ýere berip sežde etdi.
9 Ol: «Eý, Taňry, eger men Seniň öňüňde merhemet tapan bolsam, goý, onda Taňrym biziň bilen gitsin. Bu halk boýnuýogyn bolsa-da, biziň etmişimizi, günämizi bagyşla we bizi Öz mirasdaryň edip al» diýdi.
10 Reb Musa şeýle diýdi: «Indi Men siziň bilen äht baglaşjak. Seniň tutuş halkyňyň öňünde Men gudratlar görkezjek. Şeýle gudratlar tutuş ýer ýüzünde ýa-da hiç bir milletde görlüp-eşidilen däldir. Aralarynda ýaşaýan bu tutuş halkyň Men-Rebbiň edýän işini görer, çünki Men siziň üçin gorkunç zatlar ederin.
11 Meniň bu günki buýurýan buýruklarymy ýerine ýetir. Seret, Men siziň öňüňizden amorlary, kenganlary, hetleri, perizleri, hiwileri we ýabuslary kowup çykararyn.
12 Barýan ýeriňiziň ýaşaýjylary bilen äht baglaşmakdan ägä boluň, ýogsam ol äht sizi duzaga düşürer.
13 Siz olaryň gurbanlyk sypalaryny ýumrup taşlaň, dikme daşlaryny döwüp, Aşera butlaryny çapyň.
14 Başga hudaýa sežde etmäň, sebäbi Gabanjaň atly Reb gabanjaň Hudaýdyr.
15 Baran ýeriňiziň ýaşaýjylary bilen äht baglaşmaň, sebäbi olar öz hudaýlaryna sežde ederler. Olar öz hudaýlaryna sadaka beren wagty, olaryň arasyndan biri sizi çagyrsa, siz hem sadakada berlen nahardan iýersiňiz.
16 Siz ogullaryňyza olaryň gyzlaryndan aýal alyp berersiňiz. Öz hudaýlaryna sežde edip ýören bu gyzlar siziň ogullaryňyza hem şeýle etdirerler.
17 Guýma butlar ýasamaň.
18 Petir baýramyny belläň. Meniň size buýruşym ýaly, Abyp aýynyň bellenen günlerinde ýedi günläp petir iýiň, sebäbi siz Müsürden Abyp aýynda çykdyňyz.
19 Ähli ilkinji doglan erkekler Meniňkidir. Siziň sygyrlaryňyzyň we dowarlaryňyzyň hem ilkinji erkek guzlanlary Meniňkidir.
20 Eşegiň ilkinji kürrelän erkek kürresini goýnuň ilkinji toklusy bilen çalşyp,

yzyna satyn alyň. Eger çalyşmasaňyz,
onda onuň boýnuny omruň. Ähli now-
bahar ogullaryňyzy hem çalşyp, yzyna
satyn alyň.

Meniň öňümde hiç kim eli boş
görünmesin.

21Alty günläp siz işlärsiňiz, emma
ýedinji gün dynç alyň. Hatda sürüm
döwri bolsa-da, hasyl döwri bolsa-da,
dynç alyň. 22Bugdaýyň ilkinji hasy-
lyndan Galla baýramyny belläň. Ýylyň
ahyrynda hasyl toý beriň. 23Ýylda üç
gezek ähli erkekleriňiz Ysraýyl Hudaýy
bolan Beýik Hudaýyň huzuryna gelsin.
24Çünki Men siziň öňüňizden başga
milletleri kowup aýryp, serhetleriňizi
giňelderin. Ýylda üç gezek Hudaýyňyz
Rebbiň huzuryna gelseňiz, hiç kim siziň
ýeriňize göz dikip bilmez.

25Maňa gurbanlyk üçin soýýan maly-
ňyzyň ganyny hamyrmaýaly çörek bilen
bermäň. Meniň baýramymyň şanyna
gurban eden malyňyzyň ýagy ertire
galmasyn.

26Ýeriňizde önen ilkinji saýlama mi-
weleri Hudaýyňyz Rebbiň öýüne getiriň.

Owlagy enesiniň süýdünde bişirmäň».

27Reb Musa ýene-de: «Şu sözleri ýaz,
çünki Men seniň bilen we Ysraýyl bilen
şu sözleriň esasynda äht baglaşdym»
diýdi. 28Musa ol ýerde Reb bilen kyrk
gije-gündizläp boldy. Ol ne çörek iýdi,
ne-de suw içdi. Ol Äht sözleri bolan
bu on tabşyrygy ýasy daşlaryň ýüzü-
ne ýazdy.

### *Musanyň ýüzi nur saçýar*

29Musa eline Äht ýazylan iki sany ýasy
daş bölegini alyp, Sinaý dagyndan aşak
düşdi. Ol dagdan aşak inip gelýärkä, Hu-
daý bilen gepleşendigi üçin, onuň ýüzi
nur saçýardy. Mundan onuň özi hem
bihabardy. 30Harun we ähli ysraýyllar
Musanyň ýüzüniň nur saçýandygyny
görenlerinde, olar onuň ýakynyna gel-
mäge gorkdular. 31Emma Musa olary
öz ýanyna çagyrdy. Harun we halkyň
ähli ýolbaşçylary onuň ýanyna geldiler.
Musa olar bilen gepleşdi. 32Mundan soň
ähli ysraýyllar onuň töweregine üýşdü-
ler. Musa Sinaý dagynda Rebbiň özüne
beren ähli tabşyryklaryny olara tabşyr-
dy. 33Musa olar bilen gepleşip bolandan
soňra ýapynja bilen öz ýüzüni örtdi.
34Emma Musa Reb bilen gepleşmek üçin,
Onuň huzuryna çatma giren wagty, tä
daşary çykýança, ýapynjasyny aýrardy.
Ol daşary çykyp, Rebbiň näme buýran-
dygyny ysraýyllara aýdan wagty, 35olar
Musanyň ýüzüni görüp bilýärdiler. Onuň
ýüzi nur saçýardy. Soňra Musa Reb bi-
len gepleşmäge girýän wagtyna çenli,
ýene-de ýapynja bilen ýüzüni örterdi.

## 35-nji bap

### *Sabat güni hakda kanunlar*

1Musa ähli ysraýyl halkyny ýygnap,
olara Rebbiň ýerine ýetirmegi buýran
zatlaryny aýtdy: 2«Alty günüň dowa-
mynda ähli işiňizi ediň, emma Sabat
gününi Rebbe bagyş edip, dynç alyň.
Şol gün iş eden adam ölüme höküm
ediler. 3Sabat güni ýaşaýan ýeriňiziň
hiç bir ýerinde ot ýakmaň».

### *Mukaddes çadyr üçin sadaka*

4Musa tutuş ysraýyl halkyna şeýle
diýdi: «Ine, size Rebbiň buýrugy: 5Öz
araňyzdan Rebbe sadaka ýygnaň. Her
kim göwnünden çykaran şu zatlary
Rebbe sadaka bersin: altyn, kümüş we
bürünç; 6gök, badam, gyrmyzy ýüplük,
nepis zygyr mata, geçi ýüňi; 7goçuň
eýlenen derisi, saýlama deri, akasiýa
agajy; 8çyra üçin zeýtun ýagy, mesh

ýagy üçin we ýakymly ysly tütetgi üçin
hoşboý ysly zatlar; 9 efoda we gursakça
dakmak üçin hakyk we başga gymmat-
baha gaşlar.

10 Arañyzdaky hemme ukyply senetçi-
ler gelip, Rebbiň buýran ähli şu zatlaryny
ýasasynlar: mukaddes çadyr, 11 onuň
daşky örtügi we ýapynjasy, ildirgiçleri,
çarçuwalary, syryklary, sütünleri we ola-
ry saklaýan dabanlary; 12 sandyk we onuň
syryklary, gapagy, tutusy; 13 hantagta
we onuň syryklary, ähli enjamlary we
Rebbe hödür çöregi; 14 yşyk üçin çyradan,
onuň enjamlary we çyralary, çyra üçin
ýag; 15 tütetgi sypasy, onuň syryklary,
mesh ýagy we hoşboý ysly zatlar, mu-
kaddes çadyryň girelgesi üçin ýapynja;
16 ýakma gurbanlyk sypasy we onuň
bürünçden gözenegi, syryklary, ähli
enjamlary, legeni we onuň sütüni; 17 haýa-
dyň perdeleri, onuň sütünleri, dabanlary,
haýadyň derwezesi üçin ýapynja; 18 Mu-
kaddes çadyryň we haýadyň gazyklary,
olaryň zynjyrlary; 19 Mukaddes otagda
hyzmat etmek üçin, owadan tikilen mu-
kaddes lybaslary; ruhany Harunyň we
onuň ogullarynyň ruhany bolup hyzmat
etmekleri üçin olaryň ýörite geýimleri».

20 Soňra ähli ysraýyl halky Musanyň
huzuryndan dagaşdylar. 21 Her kim ýü-
reginden besläp, göwnünden çykaranyny
Rebbe ýüz tutulýan çadyr üçin, onuň
hyzmaty üçin we mukaddes lybaslar
üçin Rebbe sadaka getirdiler. 22 Şeýle-
likde, erkekler hem, aýallar hem birlikde
geldiler. Olaryň hemmesi öz göwnünden
çykaran bileziklerini, gulakhalkalaryny
we möhür basylan ýüzükler, gülýakalar
getirdiler. Olaryň hemmesi altyndan
ýasalandy. Hemmeler altyndan ýasalan
zatlaryny Rebbe sadaka bermek üçin ge-
tirdiler. 23 Her kim özünde bar bolan gök,
badam, gyrmyzy ýüplügini, nepis zygyr
matasyny, geçi ýüňüni, goçuň eýlenen
derisini we saýlama deri getirdi. 24 Her
kim kümüşden ýa-da bürünçden edilen
zadyny Rebbe sadaka getirdi. Şeýle hem,
her kim her bir işde ulanyp boljak akasiýa
agajyny getirdi. 25 Ähli ukyply çeper elli
aýallar gök, badam, gyrmyzy ýüplükden
we nepis zygyr matadan öz elleri bilen
ören zatlaryny getirdiler. 26 Ýürekleri-
ne salnan ähli başarjaň aýallar geçiniň
ýüňünden hem ýüplük ördüler. 27 Ýolbaş-
çylar efodyň we gursakçanyň gaşlaryny
öýjüklerine oturtmak üçin hakyk we
başga-da gymmatbaha gaşlar getirdiler.
28 Olar ýakymly ysly tütetgi üçin, çyra
we mesh ýagy üçin hoşboý ysly ösümlik-
leri we zeýtun ýagyny getirdiler. 29 Ähli
ysraýyl erkekleri we aýallary Rebbiň
Musa buýran işi üçin göwnünden çykaran
zatlaryny getirdiler. Olar muny Rebbe
meýletin sadaka hökmünde getirdiler.

30 Soňra Musa ysraýyllara şeýle diýdi:
«Ine, Reb ýahuda tiresinden Huruň agtygy,
Urynyň ogly Besaleli saýlady. 31 Ol ony Öz
Ruhy bilen dolduryp, oňa dürli senetçilik
işlerinde ukyp, akyl-paýhas we başarjaň-
lyk berdi. 32 Ol ökde nakgaş bolup, altyna,
kümşe we bürünje dürli nagyşlar sal-
dy. 33 Daşlary oýmakda, agaç ýonmakda,
her hili ussaçylyk işinde oňa ukyp berdi.
34 Şeýle hem Reb Besalele we dan tiresin-
den Ahysamagyň ogly Oholyýaba başga
adamlara öwretmek ylhamyny hem ber-
di. 35 Reb olara dürli senetçilik işlerinde
ukyp berdi: ussaçylyk ýa-da nakgaşçylyk,
ýa-da gök, badam, gyrmyzy ýüplük bilen
we nepis zygyr sapak bilen keşde çekmek-
lik, ýa-da dokmaçylyk berildi. Olaryň
hemmesi ökde ussalar we nakgaşlardyr».

## 36-njy bap

1 Mukaddes öýüň gurluşynyň her bir
işini nähili ýerine ýetirmelisini biler

ýaly, Reb Besalele, Oholyýaba we baş-
ga-da her bir ökde ussalara ukyp hem
akyl-paýhas berdi. Olar ähli işi Rebbiň
buýrugy boýunça ýerine ýetirmelidi-
ler 2Soňra Musa Besaleli, Oholyýaby
we başga-da Rebbiň ukyp beren ähli
ökde ussalaryny ýygnady. Reb bu işi
ýerine ýetirmegi olaryň ýüreklerine
saldy. 3Olar mukaddes öýi gurmak üçin,
ysraýyllaryň getiren ähli meýletin sada-
kalaryny Musadan aldylar. Ysraýyllar
entek hem her gün irden Musa meýletin
sadakalaryny getirýärdiler. 4Şeýlelikde,
mukaddes öýüň her dürli işini ýerine
ýetirýän hemme ökde senetçiler gel-
diler. Her kimiň etmeli işi bellenildi.
5Olar Musa: «Rebbiň bize buýran işini
etmekde, halk zatlary gereginden artyk
getirýär» diýdiler. 6Şonuň üçin hem
Musa düşelgäniň içine şeýle buýruk
bilen: «Mundan beýläk bir erkek ýa-da
aýal mukaddes öý üçin sadaka edip, hiç
hili zat getirmesin» diýip jar çekdirdi.
Şeýdip, halk sadaka getirmesini kesdi.
7Çünki olaryň getiren zatlary eýýäm
ähli işi ýerine ýetirmek üçin gereginden
hem artykdy.

### *Ysraýyllar mukaddes çadyry ýasaýarlar*

8Ökde ussalar on perdeden ybarat
mukaddes çadyr ýasadylar. Olar perde-
leri nepis zygyr matadan, gök, badam,
gyrmyzy ýüplükden edip, olaryň ýüzüne
kerubyň şekilini owadanlap çekdiler.
9Her perdäniň uzynlygy ýigrimi sekiz
tirsek, ini dört tirsek bolup, ähli perde-
leriň ölçegi bir meňzeşdi.

10Olar bäş perdäni bir aýry, beýleki
bäş perdäni hem bir aýry edip çatdylar.
11Birinji bäş perdäniň iň soňkusynyň
ujuna gök halka ýasadylar, ikinji bäş
perdäniň iň soňkusyna-da şeýle etdiler.
12Birinji toplumyň perdeleriniň iň soň-
kusynyň ujuna elli sany halka ýasadylar.
Ikinji toplumyň soňkusyna-da elli halka
ýasadylar. Halkalar biri-biriniň garşy-
synda ýerleşendi. 13Altyndan elli sany
ildirgiç ýasap, perdeleri ildirgiç bilen
biri-birine berkitdiler. Şeýdip, çadyr
tutuş bir bitewi boldy.

14Şeýle hem, geçiniň ýüňünden edilen
on bir perdeden ybarat mukaddes ça-
dyryň daşky örtügini ýasadylar. 15Her
perdäniň uzynlygy otuz tirsek, ini dört
tirsek bolup, on bir perdäniň-de ölçegini
bir meňzeş etdiler. 16Perdeleriň bäşisini
bir aýry çatyp, galan altysyny hem bir
aýry çatdylar. 17Birinji toplumyň orta-
syndan iň soňkusynyň ujuna elli sany
halka ýasadylar, ikinji toplumyňka hem
şeýle etdiler. 18Soňra bürünçden elli sany
ildirgiç ýasap, olary halkadan geçirip,
çadyry birleşdirdiler. Şonda çadyr tutuş
bir bitewi boldy. 19Çadyr üçin goçuň
eýlenen derisinden ýapynja ýasaldy we
onuň üstüni örtmäge saýlama deriden
ýene bir ýapynja ýasadylar.

20Mukaddes çadyr üçin akasiýa aga-
jyndan dikligine çarçuwalar ýasadylar.
21Her çarçuwanyň uzynlygy on tirsek,
ini bir ýarym tirsek boldy. 22Çarçuwalary
biri-biri bilen sepleşdirip durar ýaly, her
çarçuwada iki sany gazyk dikdiler. Ça-
dyryň ähli çarçuwalary üçin şeýle edildi.
23Mukaddes çadyryň çarçuwalaryny şeý-
le ýasadylar: onuň günorta tarapy üçin
ýigrimi sany çarçuwa ýasaldy. 24Ýigrimi
çarçuwanyň aşagyndan kyrk sany kü-
müşden daban ýasadylar. Her çarçuwanyň
aşagyndan onuň gazygy üçin iki sany da-
ban ýasaldy. 25Çadyryň ikinji tarapy bolan
demirgazyk tarapy üçin hem ýigrimi çar-
çuwa ýasaldy. 26Olara hem her çarçuwa
ikiden, jemi kyrk sany kümüşden daban
ýasadylar. Her çarçuwanyň aşagyndan iki

daban ýasadylar. [27]Çadyryň arka tarapy
bolan günbatar tarapy üçin, alty çarçuwa
ýasaldy. [28]Çadyryň arka tarapyndaky
burçlar üçin iki çarçuwa ýasaldy. [29]Olar
aşakdan we ýokardan şol bir halka birleş-
dirlendi. Olaryň ikisi-de şeýle edilip, olar
iki burçy emele getirdiler. [30]Şeýdip, sekiz
sany çarçuwa bolup, her çarçuwanyň aşa-
gyndan iki daban ýasalyp, jemi on alty
sany kümüşden daban ýasadylar.

[31]Mukaddes çadyryň bir tarapyndaky
çarçuwalar üçin akasiýa agajyndan bäş
sany syryk ýasadylar. [32]Çadyryň beýle-
ki tarapyndaky çarçuwalar üçin bäşisini
we arka tarapy bolan günbataryndaky
çarçuwalar üçin bäşisini ýasadylar. [33]Çar-
çuwalaryň ortasyndan geçýän taýagyny
çadyryň bir ujundan beýleki ujuna çenli
geçirdiler. [34]Çarçuwalary altyna gaplap,
syryklary saklar ýaly, altyndan halkalar
ýasadylar. Syryklar hem altyna gaplandy.

[35]Gök, badam, gyrmyzy ýüplükden
we nepis zygyr matadan tuty ýasadylar.
Onuň ýüzüne owadan edip, kerubyň şe-
kilini nagyşlap çekdiler. [36]Perdäni asmak
üçin, akasiýa agajyndan dört sany sütün
ýasaldy. Olary altyn bilen gaplap, olara al-
tyndan ildirgiçler we kümüşden dört sany
daban ýasadylar. [37]Şeýle hem, olar çady-
ryň girelgesi üçin gök, badam, gyrmyzy
ýüplükden we nepis zygyr matadan perde
ýasadylar. Ony keşde bilen nagyşladylar.
[38]Bu perde üçin akasiýa agajyndan bäş sa-
ny sütün dikip, onuň ýokarky örtüklerini
we sütünlerini altyna gapladylar. Olaryň
ildirgiçlerini hem altyndan edip, olara bü-
rünçden bäş sany daban ýasadylar.

## 37-nji bap

### *Äht sandygy*

[1]Besalel akasiýa agajyndan sandyk
ýasady. Onuň uzynlygy iki ýarym tirsek,
ini we beýikligi bir ýarym tirsek boldy.
[2]Onuň içini-de, daşyny-da sap altyna
gaplady we onuň daş-töweregine al-
tyndan jähek saldy. [3]Sandyk üçin dört
sany altyn halka ýasady we olary dört
aýagyna: ikisini bir tarapyndaky aýakla-
ryna, beýleki ikisini beýleki tarapyndaky
aýaklaryna dakdy.

[4]Ol akasiýa agajyndan syryklar ýasap,
olary altyna gaplady. [5]Sandygy göterip
äkider ýaly, syryklary onuň gapdalla-
ryndaky halkalardan geçirdi. [6]Soňra ol
sap altyndan gapak ýasady. Onuň uzyn-
lygyny iki ýarym tirsek, inini bolsa bir
ýarym tirsek etdi. [7]Gapagyň her iki ýan
çetinde döwme altyndan iki sany kerup
ýasady. [8]Keruplaryň birini gapagyň bir
çetinde, beýlekisini beýleki çetinde ýer-
leşdirdi. Olary gapagyň her ýan çetinde
goýup, olary gapak bilen bir bitewi edip
berkitdi. [9]Keruplar ganatlaryny gapagyň
depesinde ýaýyp, onuň üstüne saýa sa-
lyp durdular. Olaryň ýüzleri biri-biriniň
garşysynda bolup, göni gapaga tarap
seredýärdiler.

### *Hantagta*

[10]Şeýle hem ol akasiýa agajyndan han-
tagta ýasady. Onuň uzynlygy iki tirsek,
ini bir tirsek we beýikligi bir ýarym
tirsek boldy. [11]Ony sap altyna gaplap,
daş-töweregine altyndan jähek saldy.
[12]Hantagtanyň gyralaryna dört bar-
mak giňlikde gurşaw etdi we gurşawyň
daş-töweregine altyndan jähek saldy.
[13]Hantagta üçin altyndan dört sany halka
ýasady. Halkalary onuň dört künjündä-
ki dört aýagyna berkitdi. [14]Hantagtany
göterip äkider ýaly, halkalardan geçen
syryklary gurşawa ýakyn ýerleşdirdi.
[15]Besalel akasiýa agajyndan syryklar
ýasap, olary altyna gaplady. [16]Hantagta-
da goýar ýaly sap altyndan gap-gaçlary:

ýakymly ysly tütetgi üçin tabaklar we
jamlar, içgi sadakasy üçin şakäseler we
küýzeler ýasady.

### *Çyradan*

17 Besalel sap altyndan çyradan ýa-
sady. Çyradanyň esasyny we şahasyny
hünärmentçilik usulynda döwme sap
altyndan ýasap, onuň gülkäsesini, gül-
gunçasyny we gülýapragyny özi bilen
bir bitewi etdi. 18 Çyradanyň her gapda-
lyndan üç şaha çykyp, jemi onuň alty
şahasy boldy. 19 Her şahanyň ujunda
badamyň güli şekilinde gülkäse ýasap,
onuň gül-gunçasy bilen gülýapragyny
hem ýasady. Beýleki şahalarda hem
hut şeýdip, alty şahanyň altysyny-da
birmeňzeş edip ýasady. 20 Çyradanyň
ortasyndaky şahada badam gülüne meň-
zeş dört sany gülkäse bolup, olar hem
gül-gunçasy bilen we gülýapragy bilen
ýasaldy. 21 Her jübütiň astynda bir gun-
ça çykyp, hemmesi bilelikde jemi alty
şahany emele getirýärdi. 22 Çyradanyň
gunçalaryny we şahalaryny bir bitewi
edip ýasap, onuň tutuş özüni döwme sap
altyndan ýasady. 23 Çyradana ýedi çyra
dakdy. Onuň müçenegini we nowasyny
sap altyndan ýasady. 24 Çyradany we
oňa degişli ähli enjamlary bir ýarym
batman[a] bolan sap altyndan ýasady.

### *Ýakymly ysly tütetgi üçin sypa*

25 Ýakymly ysly tütetgi üçin akasiýa
agajyndan sypa ýasady. Onuň uzynlygy
bir tirsek, ini hem bir tirsek bolup, ol
dörtburç boldy. Onuň beýikligi iki tirsek
bolup, çykyp duran burçlaryny özi bilen
bile bitewi edip ýasady. 26 Onuň depesi-
ni, ähli taraplaryny we burçlaryny sap
altyna gaplady. Onuň daş-töweregine
altyndan jähek çekdi. 27 Onuň üçin al-
tyndan iki sany halka ýasady we olary
jähegiň aşagyndan biri-birine garşy
edip, iki tarapyna dakdy. Sypany göte-
rip gider ýaly, ol halkalardan syryklar
geçirdi. 28 Syryklary akasiýa agajyndan
ýasap, olary altyna gaplady.
29 Ol atyr ýasaýjynyň garylmagy bilen
mukaddes mesh ýagyny we ýakymly
ysly tütetgi hem taýýarlady.

## 38-nji bap

### *Ýakma gurbanlyk sypasy*

1 Besalel akasiýa agajyndan ýakma
gurbanlyk sypasyny ýasady. Onuň
uzynlygy-da, ini-de bäş tirsek bolup, ol
dörtburçdy we onuň beýikligi hem üç
tirsek boldy. 2 Gurbanlyk sypasynyň dört
burçy-da ýokary çykyp durandy. Besalel
olary gurbanlyk sypasy bilen bir bitewi
edip, ony tutuşlygyna bürünje gaplady.
3 Ol gurbanlyk sypasynyň ähli enjamla-
ryny: kül gaplary, kül atarlary, legenleri,
çarşaklary we maňňallary ýasady. Olaryň
hemmesini bürünçden ýasady. 4 Gurban-
lyk sypasy üçin bürünçden torly gözenek
ýasady. Ony gurbanlyk sypasynyň aşaky
gurşawynda ýerleşdirdi. 5 Torly göze-
negiň dört burçunyň hersine syryklary
saklar ýaly halka ýasady. 6 Ol syryklary
akasiýa agajyndan ýasap, olary bürünje
gaplady. 7 Gurbanlyk sypasyny iki tara-
pyndan göterip äkider ýaly, syryklary
halkalardan geçirdi. Onuň daşyny tagta-
lardan ýasap, gutusynyň içini boş goýdy.
8 Rebbe ýüz tutulýan çadyryň girel-
gesinde hyzmat edýän aýallaryň ýüz
görülýän aýnasyndan Besalel bürünçden
legen ýasady we onuň durýan aýagyny
hem bürünçden etdi.

[a] **37:24** ***Bir ýarym batman*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.

### *Mukaddes çadyryň haýady*

9Besalel mukaddes çadyryň haýady-
ny gurdy. Haýadyň günorta tarapynda
ýüz tirsek uzynlykda nepis zygyr ma-
tadan perdeler asdy. 10Perdeler üçin
ýigrimi sany sütün we olary saklaýan
ýigrimi dabany bürünçden ýasady, sü-
tünleriniň ildirgiçlerini we jäheklerini
kümüşden etdi. 11Demirgazyk tarapy
üçin hem şeýle etdi. Onuň boýuna ýüz
tirsek uzynlykda perdeler tutdy. Perdeler
üçin bürünçden ýigrimi sany sütün we
ýigrimi sany daban ýasady, emma onuň
ildirgiçlerini we jäheklerini kümüşden
ýasady. 12Haýadyň günbatar tarapy üçin
elli tirsek uzynlykda perdeler tutdy we
perdeler üçin on sany sütün we on sany
daban ýasady. Sütünleriň ildirgiçleri we
jähekleri kümüşden edilendi. 13Haýadyň
öň tarapy bolan gündogar tarapynyň
giňligi elli tirsek boldy. 14Onuň bir ta-
rapyna uzynlygy on bäş tirsek bolan
perdeler tutdy. Olaryň hem üç sütüni
we üç dabany bardy. 15Beýleki tarapyna
hem on bäş tirsek uzynlykda perdeler
tutdy, onuň-da üç sütüni we üç dabany
bardy. 16Haýadyň daş-töweregindäki ähli
perdeler nepis zygyr matadan edilendi.
17Sütünler üçin dabanlar bürünçden
edilendi, emma onuň ildirgiçleri we jä-
hekleri kümüşdendi, onuň ýokarsynyň
örtükleri hem kümüşdendi. Haýadyň
ähli sütünleri kümüş bilen jäheklenendi.
18Haýadyň girelgesi üçin gök, badam,
gyrmyzy ýüplükden we nepis zygyr
matadan keşde bilen nagyşlanan ýapynja
tikdiler. Onuň uzynlygy ýigrimi tirsek,
beýikligi bäş tirsek bolup, ini hem edil
haýadyň tutulary ýalydy. 19Ýapynjanyň
bürünçden dört sany sütüni bilen dört
sany dabany bardy. Onuň ildirgiçleri,
ýokarsynyň örtükleri we halkalary kü-
müşdendi. 20Mukaddes çadyryň we onuň
haýadynyň ähli gazyklary bürünçdendi.

### *Mukaddes çadyr*

21Ine, mukaddes çadyryň, ýagny
mukaddes äht çadyrynyň gurluşynyň
beýany: Bu Musanyň buýrugy esasynda
işlenip, ruhany Harunyň ogly Ytamaryň
görkezmesi boýunça lewileriň ýerine
ýetiren işidi. 22Rebbiň Musa buýran ähli
zatlaryny ýahuda tiresinden Huruň ogly,
Urynyň agtygy Besalel ýasady. 23Onuň
ýanynda dan tiresinden Ahysamagyň
ogly Oholyýap hem bardy. Ol zergär we
ussady, gök, badam, gyrmyzy ýüplük-
den edilen mata we nepis zygyr mata
keşde çekýänçidi.

24Mukaddes öýüň ähli gurluşyk işine
ulanmak üçin, sadaka edip getirilen
altynyň jemi kyrk dokuz batman we
ýarym put[a] boldy. Ol mukaddes öýüň
resmi ölçegi bilen ölçeldi. 25Ilat sana-
wynda hasaba alnan halkdan ýygnalan
kümşüň möçberi ýüz ýetmiş batman
we ýarym çuwal[b] boldy. Ol hem mu-
kaddes öýüň resmi ölçegi bilen ölçeldi.
26Bu hasaba alnan, ýaşy ýigrimi we
ondan ýokary bolan her adam başyna
mukaddes öýüň resmi ölçegi bilen bir
mysgaldan[ç] düşýärdi. Ol ýerde jemi al-
ty ýüz üç müň bäş ýüz elli erkek adam

---

[a] **38:24** ***Kyrk dokuz batman we ýarym put*** – ýewreýçe *ýigrimi dokuz kikkar we ýedi ýüz otuz şekel*. Bu takm. 1 tonna deňdir.

[b] **38:25** ***Ýüz ýetmiş batman we ýarym çuwal*** – ýewreýçe *ýüz kikkar we bir müň ýedi ýüz ýetmiş bäş şekel*. Bu takm. 3420 kg deňdir.

[ç] **38:26** ***Bir mysgal*** – ýewreýçe *bir beka, ýagny ýarym şekel*. Bir beka takm. 6 gr deňdir.

bardy. 27 Mukaddes öýüň sütüni üçin we
tutynyň sütüni üçin ýüz ýetmiş batman [a]
kümüş ulanyldy. Ýüz sütün üçin ýüz
ýetmiş batman kümüş, bir sütün üçin
bir bitin ondan ýedi batman [b] kümüş
ulanyldy. 28 Besalel sütünleriň ildirgiç-
leri üçin, onuň ýokarky örtükleri we
jähekleri üçin ýarym çuwal [ç] kümüş
ulandy. 29 Sadaka üçin getirilen bürün-
jiň möçberi jemi ýüz ýigrimi batman [d]
boldy. 30 Mundan ol Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň girelgesi üçin dabanlar ýasady,
bürünç gurbanlyk sypasyny we onuň
üçin bürünçden gözenek, gurbanlyk sy-
pasynyň ähli enjamlaryny, 31 şeýle hem,
haýadyň ähli sütünlerini, onuň derwe-
zesiniň sütünlerini, mukaddes çadyryň
we haýadyň ähli gazyklaryny ýasady.

## 39-njy bap

### *Ruhany geýimleri*

1 Mukaddes otagda hyzmat etmek üçin
gök, badam, gyrmyzy ýüplükden owa-
dan nagyşlanan geýimler tikdiler. Rebbiň
Musa buýruşy ýaly, olar Harun üçin
mukaddes lybaslary tikdiler.
2 Besalel efody altyn sapakdan, gök,
badam, gyrmyzy ýüplükden we nepis
zygyrdan dokalan matadan tikdi. 3 Altyn
böleklerini owradyp, sapak ýaly inçe ke-
sip, ony gök, badam, gyrmyzy ýüplügiň
we nepis zygyr sapagyň arasyna ussatlyk
bilen goşdular. 4 Her iki ujuny biri-biri-
ne baglaýan iki sany eginbag tikip, ony
hem berkitdiler. 5 Rebbiň Musa buýruşy
ýaly, onuň ýüzündäki nagyşly kemeri
hem edil efodyň tikilişi ýaly altyndan,
gök, badam, gyrmyzy ýüplükden we
nepis zygyr matadan tikdiler.
6 Hakyk daşlar taýýarlanyp, oňa
nakgaşlaryň oýup möhür basyşy ýaly,
Ysraýylyň ogullarynyň atlaryny oýup
ýazyp, olary hem altyn gaş öýjüklere
oturtdylar. 7 Rebbiň Musa buýruşy ýaly,
Ysraýylyň ogullaryna ýatlama daşlary
bolmagy üçin bulary efodyň eginba-
gyna dakdy.
8 Inçe nagyşlar bilen gursakça tikdi.
Ony efodyň tikilişi ýaly edip, altyndan,
gök, badam, gyrmyzy ýüplükden we
nepis zygyr matadan tikdi. 9 Gursakçany
iki gat edip, inini boýuny bir garyş edip,
ony dörtburç şekilinde etdi. 10 Gursak-
çanyň ýüzüne dört hatar gaş: birinji
hatara goýy gyzyl, sary, zümerret gaş-
lary; 11 ikinji hatara pöwrize, gök ýakut,
almaz; 12 üçünji hatara mämişi, ak we
goňur ýakut, goýy gyrmyzy ýakut; 13 dör-
dünji hatara altyn-sary, hakyk we ýaşyl
gaşlary dakdy. Olar altyn gaş öýjüklere
oturdylandy. 14 Ysraýylyň ogullarynyň
atlaryna laýyklykda gaşlar on iki sany
bolup, on iki tiräniň hersiniň ady edil
möhür basylan ýaly edilip, her gaşyň
ýüzüne oýulyp ýazylandy.

### *Gursakça*

15 Gursakça üçin sap altyndan örme
zynjyrlar ýasaldy. 16 Gursakça dakmak
üçin, altyndan iki sany gaş öýjügi we iki
sany altyn halka ýasap, olary gursakça-
nyň ýokarky iki ujuna ildirdi. 17 Örme iki
altyn zynjyry gursakçanyň ujundaky iki

---

[a] **38:27** ***Ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3400 kg deňdir.
[b] **38:27** ***Bir bitin ondan ýedi batman*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.
[ç] **38:28** ***Ýarym çuwal*** – ýewreýçe *bir müň ýedi ýüz ýetmiş bäş şekel*. Bu takm. 20 kg deňdir.
[d] **38:29** ***Ýüz ýigrimi batman*** – ýewreýçe *ýetmiş kikkar bilen iki müň dört ýüz şekel*. Bu takm. 2,4 tonna deňdir.

halkadan geçirdi. 18 Zynjyrlaryň beýleki
iki ujuny altyn gaş öýjüklere, efodyň
öň tarapyndaky eginbaglaryna berkitdi.
19 Altyndan ýene iki sany halka ýasap,
olary gursakçanyň iç ýüzündäki iki
ujuna, efodyň iç gatyna dakdy. 20 Al-
tyndan ýene-de iki sany halka ýasap,
olary efodyň öň tarapyndaky eginba-
gynyň aşaky bölegine berkitdi. Olar
efodyň nagyşly kemeriniň ýokarsynda
ýerleşendi. 21 Rebbiň Musa buýruşy ýaly,
gursakçanyň efotdan sallanyp gaçmaz-
lygy üçin, onuň halkalary gök ýüp bilen
efodyň halkalaryna daňlandy. Şonda
gursakça efodyň nagyşly kemeriniň
ýüzünde durdy.

### *Beýleki ruhany geýimleri*

22 Besalel efodyň aşagyndan geýilýän
dony gök matadan tikdi. 23 Onuň orta-
syndan kelle girip-çykar ýaly açyk ýer
goýdy. Bu açyk ýer ýyrtylmaz ýaly, oňa
gyýa aýlady. 24 Gök, badam, gyrmyzy
ýüplükden nar şekillerini ýasap, olary
donuň aşaky etegine dakdy. 25 Sap altyn-
dan jaňjagazlar ýasap, olary narlaryň
arasyndan donuň tutuş etegine dakdy.
26 Rebbiň Musa buýruşy ýaly, bir nar
bilen altyn jaňjagaz başaşa edilip, olar
hyzmat edende geýmek üçin tikilen
donuň tutuş etegine dakyldy.

27 Olar Harun we onuň ogullary üçin
nepis zygyr matadan uzyn köýnekler
hem tikdiler 28 Şeýle hem, nepis zygyr
matadan selle, başdaňy we ýüplükden içki
geýimler tikdiler. 29 Bilguşagy gök, badam,
gyrmyzy ýüplükden we nepis zygyr mata-
dan edilip, nagyşlar bilen keşdelendi. Bu
Rebbiň Musa buýruşy ýaly edildi.

30 Sap altyndan bezeg şaýyny ýasady.
Oýup möhür basylan dek, onuň ýüzü-
ne «Rebbe bagyş edilen» diýen sözleri
oýup ýazdy. 31 Rebbiň Musa buýruşy
ýaly, muny gök sapak bilen selläniň öň
tarapyna çatdy.

### *Musa edilen işleri gözden geçirýär*

32 Şeýlelik bilen, Rebbe ýüz tutulýan
mukaddes çadyryň ähli işi tamamlandy.
Ysraýyllar ähli zatlary edil Rebbiň Musa
buýruşy ýaly ýasadylar. 33 Soňra olar mu-
kaddes çadyry Musanyň ýanyna getirdiler,
şeýle hem: çadyr we onuň ähli esbaplary,
onuň ildirgiçleri, çarçuwalary, syryklary
sütünleri we olary saklaýan dabanlary;
34 goçuň eýlenen derisinden we saýlama
deriden ýapynja, tuty; 35 Äht sandygy
we onuň syryklary, gapagy, 36 hantagta,
onuň ähli enjamlary, Rebbe hödür çöregi;
37 yşyk üçin sap altyndan çyradan, onuň
ähli enjamlary we çyralary, çyra üçin ýag;
38 altyndan edilen sypany, mesh ýagy we
hoşboý ysly zatlar, mukaddes çadyryň gi-
relgesi üçin ýapynja; 39 bürünç gurbanlyk
sypasy, onuň bürünçden gözenegi, onuň
syryklary we ähli enjamlary, legeni we
onuň sütüni; 40 haýadyň perdeleri, sütün-
leri we dabanlary, onuň derwezesi üçin
ýapynja, onuň halkalary we gazyklary.
Rebbe ýüz tutulýan mukaddes çadyryň
hyzmaty üçin ähli esbaplar. 41 Mukad-
des otagda hyzmat etmek üçin, owadan
tikilen mukaddes lybaslary. Ruhany Ha-
runyň we onuň ogullarynyň ruhany bolup
hyzmat etmekleri üçin ýörite geýimleri
getirildi. 42 Ysraýyllar ähli işi edil Reb-
biň Musa buýruşy ýaly ýerine ýetirdiler.
43 Musa ähli işiň edil Rebbiň buýruşy ýaly
ýerine ýetirilendigini görende, ysraýylla-
ra alkyş aýtdy.

## 40-njy bap

### *Mukaddes çadyr Rebbe bagyş edilýär*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Birinji
aýyň birinji güni Rebbe ýüz tutulýan

mukaddes çadyry gur. 3 Äht sandygy-
ny getirip, onuň içinde goý we onuň
öňünden tuty tut. 4 Hantagtany getirip,
onuň enjamlaryny oturt. Çyradany geti-
rip, onuň çyralaryny ýak. 5 Tütetgi üçin
altyndan edilen sypany Äht sandygy-
nyň öňünde goý. Mukaddes çadyryň
girelgesine ýapynja tut. 6 Rebbe ýüz
tutulýan mukaddes çadyryň girelgesi-
niň öňünde ýakma gurbanlyk sypasyny
gur. 7 Çadyr bilen gurbanlyk sypasynyň
arasynda legen goýup, oňa suw guý.
8 Tutuş daş-töwerege haýat gur we ha-
ýadyň derwezesine ýapynja tut. 9 Soňra
mesh ýagyny alyp, çadyra we onuň
ähli zatlaryna ýag guý. Ony we onuň
ähli esbaplaryny mukaddes et, şonda
ol mukaddes bolar. 10 Ýakma gurbanly-
gynyň sypasynyň üstüne we onuň ähli
enjamlarynyň üstüne hem ýag sepele.
Şeýdip, gurbanlyk sypasyny mukaddes
et, şonda ol iň mukaddes bolar. 11 Legene
we onuň sütüniniň üstüne ýag sepeläp
mukaddes et. 12 Soňra Haruny we onuň
ogullaryny Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
girelgesine getirip, olary suw bilen ýuw.
13 Haruna ruhany geýimlerini geýdir we
onuň başyna ýag guýup, Maňa bagyş et,
şonda ol Maňa ruhany bolup hyzmat edip
biler. 14 Onuň ogullaryny hem getirip,
olara uzyn köýnekleri geýdir. 15 Atasy-
ny bagyş edişiň ýaly, ogullaryny hem
başyna ýag guýup bagyş et, şonda olar
Maňa ruhany bolup hyzmat edip bilerler:
bu ruhanyçylyk olar üçin nesilme-nesil
ebedilik bolar».

16 Musa ähli zady edil Rebbiň özüne
buýruşy ýaly etdi. 17 Ikinji ýylyň birinji
aýynyň birinji güni mukaddes çadyr
guruldy. 18 Musa mukaddes çadyry şeýle
gurdy: onuň dabanlaryny, çarçuwala-
ryny oturtdy, syryklaryny dakdy we
sütünlerini dikdi. 19 Musa Rebbiň özüne
buýruşy ýaly edip, mukaddes çadyryň
daşky örtügini we ýapynjasyny tutdy.
20 Ol Äht ýazgysyny alyp, sandygyň
içinde goýdy we sandygyň syrykla-
ryny dakyp, onuň üstüniň gapagyny
ýapdy. 21 Musa Rebbiň buýruşy ýaly,
Äht sandygyny mukaddes çadyra ge-
tirip goýdy. Onuň öňünden tuty asyp,
ony aýratyn goýdy. 22 Ol hantagtany
tutynyň daşynda, Rebbe ýüz tutulýan
mukaddes çadyryň demirgazygynda
goýdy. 23 Musa Rebbiň buýruşy ýaly
edip, ol hödür çöregini hantagtanyň
üstünde goýup, Rebbiň huzuryna ge-
tirdi. 24 Çyradany Rebbe ýüz tutulýan
mukaddes çadyryň günorta tarapyna
getirip, hantagtanyň garşysynda goýdy.
25 Rebbiň özüne buýruşy ýaly, Musa
Rebbiň huzurynda çyralary ýakdy. 26 Al-
tyndan edilen sypany getirip, Rebbe
ýüz tutulýan çadyrda, tutynyň öňünde
goýdy. 27 Musa Rebbiň buýruşy ýaly,
onuň üstünde ýakymly ysly tütetgi ýak-
dy. 28 Ol mukaddes çadyryň girelgesi
üçin ýapynja hem tutdy. 29 Ol Rebbe ýüz
tutulýan mukaddes çadyryň girelgesin-
de ýakma gurbanlyk sypasyny goýdy.
Rebbiň buýruşy ýaly, onuň üstünde
ýakma gurbanlygyny we galla sadaka-
syny berdi. 30 Rebbe ýüz tutulýan çadyr
bilen gurbanlyk sypasynyň arasynda
legeni goýdy we ýuwunmak üçin onuň
içine suw guýdy. 31 Musa, Harun we
onuň ogullary şol suw bilen ellerini
we aýaklaryny ýuwdular. 32 Olar Rebbe
ýüz tutulýan çadyra girenlerinde we
gurbanlyk sypasynyň ýanyna gelen-
lerinde, Rebbiň Musa buýruşy ýaly
ýuwundylar. 33 Mukaddes çadyryň we
gurbanlyk sypasynyň daş-töweregine
haýat gurdy we haýadyň derwezesine
ýapynja tutdy. Şeýdip, Musa ähli işi
tamamlady.

### *Rebbiň şöhraty çadyry doldurýar*

34 Soňra Rebbe ýüz tutulýan mukaddes çadyry bulut örtdi. Rebbiň şöhraty mukaddes çadyry doldurdy.
35 Musa Rebbe ýüz tutulýan çadyra girip bilmedi, sebäbi ony bulut örtüp, mukaddes çadyry Rebbiň şöhraty doldurypdy.
36 Her gezek bulut mukaddes çadyrdan aýrylyp süýşende, ysraýyllar hem öz ýollaryny dowam etdirerdiler.
37 Emma bulut ol ýerden aýrylmasa, tä bulut süýşýänçä, olar hem göçmän oturardylar.
38 Tutuş ysraýyl halky her gezek ýöriş edende, Reb olar üçin gündizine bulut, gijesine ot sütüni bolup, mukaddes çadyryň depesinde durýardy.

# Lewiler

## Giriş

*Lewiler* kitabynda Hudaýyň Musa pygambere beren kanunlary we tabşyryklary beýan edilýär. Kitap lewi tiresinden bolan adamlaryň hatyrasyna *Lewiler* diýip atlandyrylýar. Lewiler mukaddes çadyrda Rebbiň aýratyn hyzmatkärleridiler. Ruhanylar hem öz asly boýunça lewi tiresindendirler. Kitapda esasan-da ruhanylaryň we beýleki lewileriň borçlary beýan edilýär. Olar gurbanlyklar, Hudaýa sadakalar we Günäden saplanma güni ýaly dini baýramlary geçirýärler (16:1-34, 23:26-32). Islendik günä: agyr günä, ýeňil günä – tapawudy ýok, mukaddes öýi murdar edip bilýärdi. Şonuň üçin-de, günäden saplanmak üçin berilýän gurbanlyklar dürli-dürlüdi. Olaryň bary bu kitapda jikme-jik beýan edilýär. Bu gurbanlyklar adamlary Hudaý bilen ýaraşdyrmaga ýardam edýärdi. Şeýle hem Lewiler kitaby halal we haram mal, egin-eşik üçin ulanylmaly matalar, garyplar barada edilmeli alada hakyndaky kanunlardan ybaratdyr.

Kitapda her kyrk dokuz ýyldan bir ýyly baýram etmek barada gürrüň edilýär. Şol ýyl ýer başky eýesine gaýtarylyp berilmelidi (25:8-17). Her ýedinji ýyl topraga dynç bermek üçin, ýer ekişsiz galdyrylmalydy (25:1-6). Ýer hakyndaky kanunlar gaty wajypdy, çünki ýer aslynda Hudaýyňky bolup, hojalyklaryň we tutuş jemgyýetiň ykdysady esasydy.

Kitabyň köp bölegi kanunlardan ybaratdyr. Beýleki bölümlerde halk we ruhanylar Hudaýyň görkezmelerine gulak asanda ýa-da ret edende, olara näme bolýandygy beýan edilýär. Hudaý Özüne garşy baş göterenleri dessine jezalandyryp, Özüne gulak asanlara bolsa şu wadany berdi:

> *«Men siziň araňyzda bolup, siziň Hudaýyňyz bolaryn, sizem Meniň halkym bolarsyňyz. Müsürlileriň guly bolup galmasynlar diýip, sizi Müsürden alyp çykan Hudaýyňyz Reb Mendirin. Sizi olaryň elinden azat edip, başyňyzy dik tutduryp ýöreden Mendirin».*
>
> *26:12-13*

### *Mazmuny*


Sadakalar we gurbanlyklar baradaky kanunlar ............................. *1:1–7:38*

Harunyň we onuň ogullarynyň ruhanylyga bellenişi .................. *8:1–10:20*

Halallyk we haramlyk baradaky kanunlar .................................. *11:1–15:33*

Günäden saplanma güni .................................................................. *16:1-34*

Durmuşda we Hudaýa sežde etmekde mukaddes bolmak
baradaky kanunlar ... *17:1–27:34*
Dürli meseleler baradaky kanunlar ... *17:1–20:27*
Ruhanylar üçin düzgünler ... *21:1–22:33*
Dini baýramlar üçin görkezmeler ... *23:1–25:55*
Ýalkanyşlar we jezalar ... *26:1-46*
Rebbe wadalar we gurbanlyklar baradaky kanunlar ... *27:1-34*

## 1-nji bap

### *Ýakma gurbanlygy*

1 Reb Özüne ýüz tutulýan çadyrdan
Musany çagyryp, oňa şeýle diýdi: 2 «Ys-
raýyl halkyna aýt: „Rebbe mal gurbanlyk
bermek isleýänler, goý, gara mallardan
ýa-da dowarlardan bersinler. 3 Siz gara
maly ýakma gurbanlyk berseňiz, ma-
lyňyz şikessiz öküzçe bolsun. Rebbiň
bu gurbanlygy siziň adyňyzdan kabul
ederi ýaly, siz bu ýakma gurbanlygyny
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzyna
getiriň. 4 Ýakma gurbanlyk berýän ma-
lyň eýesi, onuň kellesine elini goýsun
we Hudaý ol maly sizi günäleriňizden
saplaýan gurbanlyk hökmünde kabul
eder. 5 Soňra öküzçäniň eýesi Rebbiň
huzurynda onuň damagyny çalsyn. Ha-
runyň ogullary – ruhanylar bolsa, onuň
ganyny Rebbe hödür edip, ony Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň agzyndaky gurbanlyk
sypasynyň çar tarapyna serpsinler. 6 Soň-
ra gurbanlyk malynyň eýesi ony soýup
böleklesin. 7 Ruhany Harunyň ogullary
gurbanlyk sypasynyň üstünde odun örüp,
ot ýaksynlar. 8 Soňra Harunyň ogulla-
ry – ruhanylar böleklenen eti, malyň
kellesidir içýagy bilen bilelikde gur-
banlyk sypasynyň üstünde ýanyp duran
otda goýsunlar. 9 Malyň garyn içegeleri
we aýaklary suwa ýuwulsyn. Ruhany
bolsa bularyň hemmesini gurbanlyk
sypasynda ýaksyn. Rebbe tutuşlygyna
ot üsti bilen berilýän bu ýakma gurban-
lygynyň ysy Oňa ýakymlydyr.
10 Dowarlardan alnan janly ýakma gur-
banlyk berilýän bolsa, onda bu gurbanlyk
janlysy hiç bir şikessiz goç ýa-da erkeç
bolsun. 11 Malyň eýesi gurbanlyk janly-
synyň damagyny gurbanlyk sypasynyň
demirgazyk tarapynda, Rebbiň huzuryn-
da çalsyn. Harunyň ogullary – ruhanylar
bolsa gurbanlyk janlysynyň ganyny
gurbanlyk sypasynyň çar tarapyna serp-
sinler. 12 Soňra malyň eýesi gurbanlyk
janlysyny böleklesin. Ruhany bolsa ol
bölekleri janlynyň kellesidir içýagy bilen
bilelikde gurbanlyk sypasynda ýanyp
duran otda goýsun. 13 Gurbanlyk jan-
lysynyň garyn içegeleri we aýaklary
suwa ýuwulsyn. Onsoň ruhany bula-
ryň hemmesini gurbanlyk sypasynda
ýaksyn. Rebbe tutuşlygyna ot üsti bilen
berilýän bu ýakma gurbanlygynyň ysy
Oňa ýakymlydyr. 14 Eger Rebbe ýakma
gurbanlyk hökmünde guş hödürlenilýän
bolsa, onda siziň gurbanlyk guşuňyz
gumry ýa-da kepderi bolsun. 15 Ruha-
ny gurbanlyk guşunyň boýnuny ýolup,
onuň kellesini gurbanlyk sypasynda
ýaksyn. Onuň ganyny gurbanlyk sypa-
synyň gapdalyna akdyrsyn. 16 Ruhany
guşuň petekesini içindäki zatlary bilen
bile alyp, gurbanlyk sypasynyň gündo-
gar tarapyna, kül atylýan ýere taşlasyn.
17 Soňra ruhany guşuň ganatlaryndan

tutup, ony ikä bölsün, ýöne bölekleri
biri-birinden doly bölüp aýyrmasyn.
Onsoň ol guşy gurbanlyk sypasynda
ýaksyn. Rebbe tutuşlygyna ot üsti bilen
berilýän bu ýakma gurbanlygynyň ysy
Oňa ýakymlydyr.

### 2-nji bap

*Galla sadakasy*

1 Kimde-kim Rebbe galla sadakasy-
ny bermekçi bolsa, ol sadaka saýlama
bugdaý unundan berilsin. Sadaka ber-
ýän adam unuň üstüne zeýtun ýagyny
guýup, ýakymly ysly tütetgini onuň
üstünde goýsun. 2 Onsoň galla sadakasy
Harunyň ogullaryna – ruhanylara ge-
tirilip berilsin. Ruhany zeýtun ýagyna
garylan saýlama bugdaý unundan bir
goşawujyny, ýakymly ysly tütetginiň
baryny alyp, olary gurbanlyk sypasyn-
da ýaksyn. Rebbiň ýoluna ot üsti bilen
berlen bu sadaka paýynyň ysy Oňa ýa-
kymlydyr. 3 Galla sadakasynyň galany
Harun bilen onuň ogullarynyňky bolsun.
Rebbe ot üsti bilen berilýän bu sadaka
örän mukaddes sadakadyr.
4 Eger siz tamdyrda ýapylan petiri sa-
daka bermekçi bolsaňyz, onda ol saýlama
bugdaý unundan bişirilen, zeýtun ýagy-
na ýugrulan, hamyrmaýasyz külçeler
ýa-da ojakda bişirilen, ýüzüne zeýtun
ýagy çalnan çelpekler bolsun. 5 Eger ta-
bada bişirilen galla sadakasyny bermekçi
bolsaňyz, onda ol saýlama bugdaý unun-
dan, zeýtun ýagyna ýugrulyp bişirilen
petir bolsun. 6 Sadaka berýän petiri dog-
rap, üstüne zeýtun ýagyny guýsun – bu
galla sadakasydyr. 7 Eger siziň berýän
galla sadakaňyz saçda bişirilen petir
çörek bolsa, onda ol saýlama bugdaý
unundan edilen hem-de zeýtun ýagyna
ýugrulan bolsun. 8 Rebbe şeýle bişirilen
galla sadakasyny hödür ediň. Çörek
ruhana getirilip berlenden soň, ol ony
gurbanlyk sypasynyň ýanyna alyp bar-
syn. 9 Ruhany Rebbiň ýoluna berilýän
bu sadaka paýyny galla sadakasyndan
bölüp aýryp, ony gurbanlyk sypasynda
ýaksyn. Rebbe ot üsti bilen berilýän bu
sadakanyň ysy Oňa ýakymlydyr. 10 Galla
sadakasynyň galan bölegi Harun bilen
onuň ogullarynyňky bolsun. Rebbe ot
üsti bilen berilýän bu sadaka paýy örän
mukaddesdir.
11 Rebbe sadaka berjek çöregiňiz hiç
wagt hamyrmaýaly bolmasyn. Çünki
Rebbe ot üsti bilen berilýän bu sada-
ka hamyrmaýaly bolmaly däldir ýa-da
bal goşulmaly däldir. 12 Siz bu zatlary
Rebbe ekiniňiziň ilkinji hasyl sadakasy
hökmünde berip bilersiňiz. Emma olar
gurbanlyk sypasynda ýakymly ys çy-
karmak üçin ýakylmasyn. 13 Siz berýän
galla sadakalaryňyza duz sepiň. Çünki
duz Hudaýyňyz bilen baglaşan ähtiňiziň
nyşanydyr. Berýän sadakalaryňyzyň
hemmesine duz sepiň.
14 Eger siz ekiniňiziň ilkinji hasylyny
Rebbe galla sadakasy hökmünde hödür
etmekçi bolsaňyz, ol döwlen täze bugdaý
sümmülinden alnan we otda gowrulan
bolsun. 15 Oňa zeýtun ýagyny goşup,
ýakymly ysly tütetgini-de onuň üstüne
goýuň. Bu galla sadakasydyr. 16 Onsoň
ruhany döwlen bugdaýyň belli bir muk-
daryny we ýakymly ysly tütetgili zeýtun
ýagyny alyp, olary gurbanlyk sypasynda
ýaksyn. Bu Rebbiň ýoluna ot üsti bilen
berlen sadaka paýydyr.

### 3-nji bap

*Salamatlyk gurbanlygy*

1 Berýän sadakaňyz salamatlyk gur-
banlygy bolup, siz uly mal öldürmekçi

bolsaňyz, onuň öküz ýa sygyrdygynyň parhy ýok, ol şikessiz mal bolmalydyr. 2 Malyň eýesi gurbanlyk malynyň kellesine elini goýup, Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzynda onuň damagyny çalsyn. Harunyň ogullary – ruhanylar gurbanlygyň ganyny gurbanlyk sypasynyň çar tarapyna serpsinler. 3-4 Siz salamatlyk gurbanlygyndan bar içýaglary hem-de garyn içegeleriň daşyndaky bar ýagy, bildäki iki böwregi daşynyň ýagy bilen, bagryň ýüzündäki ýag perdesini böwrekler bilen bile alyp, olary Rebbe ot üsti bilen berilýän gurbanlyk paýy hökmünde hödür ediň. 5 Onsoň Harunyň ogullary bulary gurbanlyk sypasynyň üstünde ýanyp duran otdaky ýakma gurbanlygy bilen bile ýaksynlar. Rebbe ot üsti bilen berilýän bu gurbanlygyň ysy Oňa ýakymlydyr.

6 Eger salamatlyk gurbanlygy hökmünde Rebbe dowar süriňizden gurbanlyk hödür etmekçi bolsaňyz, onda ol goçmy, goýunmy, tekemi, geçimi – parhy ýok, ol şikessiz dowar bolmalydyr. 7 Eger siz goýun gurbanlyk bermekçi bolsaňyz, onda ony Rebbiň huzuryna getirmelisiňiz. 8 Malyň eýesi gurbanlyk janlysynyň kellesine elini goýup, onuň damagyny Rebbe ýüz tutulýan çadyryň öňünde çalsyn. Harunyň ogullary onuň ganyny gurbanlyk sypasynyň çar tarapyna serpsinler. 9-10 Malyň eýesi salamatlyk gurbanlygy üçin hödür edilen janlynyň ähli ýaglaryny: goýnuň türresiniň düýbünden kesilip alnan guýruk ýagynyňdyr içýaglarynyň baryny we garyn içegeleriň daşyndaky ýaglaryň baryny, bildäki iki böwregi daşynyň ýagy bilen, bagryň ýüzündäki ýag perdesini böwrekler bilen bile alyp, olary Rebbe ot üsti bilen berilýän gurbanlyk paýy hökmünde hödür etsin. 11 Onsoň ruhany bulary alyp, Rebbe ot üsti bilen berilýän iýmit sadakasy hökmünde gurbanlyk sypasynda ýaksyn.

12 Eger geçi gurbanlyk bermekçi bolsaňyz, siz ony Rebbiň huzuryna getirmelisiňiz. 13 Malyň eýesi onuň kellesine elini goýup, Rebbe ýüz tutulýan çadyryň öňünde onuň damagyny çalsyn. Harunyň ogullary gurbanlyk janlysynyň ganyny gurbanlyk sypasynyň çar tarapyna serpsinler. 14-15 Malyň eýesi gurbanlyk janlysynyň bar içýaglaryny hem-de garyn içegeleriniň daşyndaky ähli ýagyny, bildäki iki böwregi daşynyň ýagy bilen we bagryň ýüzündäki ýag perdesini böwrekler bilen bile alyp, olary Rebbe ot üsti bilen berilýän gurbanlyk paýy hökmünde hödür etsin. 16 Onsoň ruhany bulary alyp, Rebbe ot üsti bilen berilýän iýmit sadakasy hökmünde gurbanlyk sypasynda ýaksyn. Onuň ysy Rebbe ýakymlydyr. Gurbanlygyň ähli ýagy Rebbe hödür edilsin. 17 Siz nirede ýaşasaňyz-da, etiň ýagyny we ganyny iýmäň. Bu siziň bütin nesilleriňiz üçin ebedilik düzgün bolsun“».

## 4-nji bap

### *Tötänlikden edilen günäler üçin berilmeli gurbanlyklar*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2-3 «Ysraýyl halkyna aýt: „Kimde-kim Men Rebbiň size beren buýruklarymy tötänden bozup, günä etse, şeýle-de başyna ýag guýlup saýlanan baş ruhanynyň özi günä iş edip, halky ýazykly etse, onda ol şikessiz bir öküzçäni öldürip, ony Rebbe günä gurbanlygy hökmünde hödür etsin. 4 Öküzçäni Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzyna, Rebbiň huzuryna getirsin we elini öküzçäniň kellesine goýup, Rebbiň huzurynda onuň damagyny çalsyn.

5 Onsoň başyna ýag guýlup saýlanan baş
ruhany öküzçäniň ganyndan birazragy-
ny alyp, ony Rebbe ýüz tutulýan çadyra
getirsin. 6 Baş ruhany gana barmagyny
batyryp, Rebbiň huzuryna – iň mu-
kaddes otagyň tutusynyň öňüne gany
ýedi gezek sepelesin. 7 Soňra baş ruhany
Rebbe ýüz tutulýan çadyrdaky – Rebbiň
huzuryndaky ýakymly ysly tütetgi ýa-
kylýan gurbanlyk sypasynyň şahlaryna
biraz gan çalsyn. Öküzçäniň galan ga-
nyny bolsa Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
agzyndaky ýakma gurbanlyk sypasy-
nyň düýbüne döksün. 8-9 Baş ruhany
günä gurbanlygy hökmünde berlen bu
öküzçäniň bar içýaglaryny, garyn içege-
leriniň daşyndaky ýaglaryny, bildäki iki
böwregi daşynyň ýagy bilen we bagryň
ýüzündäki ýag perdesini böwrekler bi-
len bile alsyn. 10 Baş ruhany bu malyň
ýagyny-da edil salamatlyk gurbanlygy
üçin öldürilen öküziň ýaglarynyň alnyşy
ýaly alyp, olary ýakma gurbanlyk sy-
pasynda ýaksyn. 11-12 Emma baş ruhany
öküzçäniň derisini, bar etini, kellebaşa-
ýagyny, garyn-içegelerini garyn-gajagy
bilen, garaz, öküzçäniň diňe ýagyndan
başga bar zadyny düşelgäniň daşyndaky
bir halal ýere, kül üýşmeginiň üstüne
çykardyp ýakdyrsyn.

13-14 Eger bütin ysraýyl halky öz
Hudaýy Rebbiň beren buýruklaryny
tötänlikden bozup, günä etse, bu günä iş
hem jemagatdan ýaşyrylyp, olaryň eden
günäleriniň üsti açylan badyna, jemagat
günä gurbanlygy hökmünde bir öküz-
çäni Rebbe ýüz tutulýan çadyryň öňüne
getirsin. 15 Halkyň ýaşululary Rebbiň
huzurynda ellerini öküzçäniň kellesine
goýup, şol ýerde onuň damagy çalynsyn.
16 Başyna ýag guýlup saýlanan baş ru-
hany öküzçäniň ganyndan birazragyny
alyp, ony Rebbe ýüz tutulýan çadyra
getirsin 17 Onsoň baş ruhany barmagyny
gana batyryp, ony ýedi gezek Rebbiň
huzuryna – iň mukaddes otagyň öňüne
sepelesin. 18 Soňra baş ruhany Rebbe ýüz
tutulýan çadyrda Rebbiň huzuryndaky
gurbanlyk sypasynyň şahlaryna biraz
gan çalsyn. Galan gany bolsa Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň agzyndaky ýakma
gurbanlyk sypasynyň düýbüne döksün.
19 Baş ruhany öküzçäniň ähli ýagyny
alyp, ony gurbanlyk sypasynda ýaksyn.
20 Baş ruhany günä gurbanlygy üçin
berlen öküzçe bilen näme eden bolsa,
bu öküzçe bilen hem şeýle etsin. Ol
günä gurbanlygy üçin berlen bu öküz-
çe bilen halky günäsinden saplasyn we
Hudaý halkyň günäsini geçer. 21 Soňra
baş ruhany öküzçäni düşelgäniň daşyna
çykardyp, ony-da birinji öküzçäni ýak-
dyryşy ýaly edip ýakdyrsyn. Bu halkyň
günä gurbanlygydyr.

22-23 Eger baştutanlardan biri öz Hudaýy
Rebbiň beren buýruklaryny tötänlikden
bozup, günä etse, ol günäsi barada oňa
duýdurylan badyna, gurbanlyk hök-
münde şikessiz bir erkeji getirsin. 24 Ol
erkejiň kellesine elini goýup, ýakma
gurbanlyk malynyň öldürilýän ýerinde,
Rebbiň huzurynda onuň damagyny çal-
syn. Bu günä gurbanlygydyr. 25 Ruhany
bolsa günä gurbanlygy üçin damagy
çalnan janlynyň ganyna barmagyny
batyryp, ony ýakma gurbanlyk sypasy-
nyň şahlaryna çalsyn. Galan gany bolsa
ýakma gurbanlyk sypasynyň düýbüne
döksün. 26 Erkejiň bar ýagyny ruhany
edil salamatlyk gurbanlygynyňky ýa-
ly edip, gurbanlyk sypasynda ýaksyn.
Şeýdip, ruhany günä gurbanlygy üçin
berlen erkeç bilen günälini günäsinden
saplasyn we Hudaý onuň günäsini geçer.

27-28 Eger ýönekeý halkdan biri Rebbiň
beren buýruklaryny tötänlikden bozup,

günä etse, ol günäsi barada oňa duýdury-
lan badyna, bir şikessiz geçini gurbanlyk
bersin. 29 Ol elini günä gurbanlygy üçin
berilýän janlynyň kellesine goýup, ýakma
gurbanlyk malynyň öldürilýän ýerinde,
Rebbiň huzurynda onuň damagyny çal-
syn. 30 Ruhany onuň ganyna barmagyny
batyryp, ol ony ýakma gurbanlyk sypasy-
nyň şahlaryna çalsyn. Galan gany bolsa ol
sypanyň düýbüne döksün. 31 Edil salamat-
lyk gurbanlygynyň bar ýagyny alşy ýaly,
ruhany bu geçiniň hem ähli ýagyny alsyn.
Soňra Rebbe ýakymly ys çykarmak üçin
ony gurbanlyk sypasynda ýaksyn. Şeýdip,
ruhany günä gurbanlygy üçin berlen geçi
bilen günälini günäsinden saplasyn we
Hudaý onuň günäsini geçer. 32 Eger günäli
kişi günä gurbanlygy üçin guzy bermekçi
bolsa, onda ol şikessiz guzy bolsun. 33 Ma-
lyň eýesi elini guzynyň kellesine goýup,
ýakma gurbanlyk malynyň öldürilýän
ýerinde, günä gurbanlygy hökmünde
onuň damagyny çalsyn. 34 Ruhany günä
gurbanlygy üçin damagy çalnan janlynyň
ganyna barmagyny batyryp, ony ýakma
gurbanlyk sypasynyň şahlaryna çalsyn.
Galan gany bolsa ol gurbanlyk sypasynyň
düýbüne döksün. 35 Salamatlyk gurban-
lygy üçin öldürilen goýnuň bar ýagynyň
alnyşy ýaly, bu günä gurbanlygy üçin
hödürlenen guzynyň hem ähli ýagy alyn-
syn. Ruhany ony alyp, Rebbe ot üsti bilen
berlen beýleki gurbanlyklar bilen bile gur-
banlyk sypasynda ýaksyn. Şeýdip, ruhany
günä gurbanlygy üçin berlen guzy bilen
günälini günäsinden saplasyn we Hudaý
onuň günäsini geçer.

## 5-nji bap

### *Günäli adamyň bermeli gurbanlygy*

1 Kimdir biri bolan işi görüp ýa-da bili-
bem, bolan işe şaýatlyk etmegi soralanda,
ondan boýun gaçyrsa, ol öz jezasyny
çekmelidir. 2 Kimdir biri haram saýylýan
zada: haram wagşy haýwanyň maslygy-
na ýa-da haram mal-garanyň maslygyna,
ýa-da haram süýrenijileriň we mör-mö-
jekleriň maslygyna tötänlikde galtaşsa,
onda ol muny aňan badyna, haram we
ýazykly saýylýandyr. 3 Kimdir biri ha-
ramlygyna, haram edýän islendik zada
tötänlikden galtaşsa, onda ol muny aňan
badyna, ýazykly saýylsyn. 4 Kimdir biri
ýamanlyk ýa-da ýagşylyk etmek üçin,
soňuny saýman tötänden ant içse, onda
ol muny aňan badyna, nähili ant içilen-
digine garamazdan, ýazykly saýylsyn.
5 Eger kimde-kim şulardan birini edip,
günä gazanandygyna göz ýetirse, ol eden
günäsini boýun alsyn. 6 Ol eden günäsi
üçin töleg hökmünde sürüden bir urkaçy
janlyny: goýny ýa-da geçini Rebbe günä
gurbanlygy üçin getirsin. Ruhany günä
gurbanlygy üçin berlen goýun ýa-da
geçi bilen günälini günäsinden saplasyn.
7 Eger günäliniň goýna gurby çatmaýan
bolsa, eden günäsi üçin töleg hökmünde
Rebbe iki sany gumry ýa-da iki kepderi
getirsin. Olaryň biri günä gurbanlygy,
beýlekisi bolsa ýakma gurbanlygy üçin-
dir. 8 Ol bulary ruhana getirip bersin.
Ruhany öňürti günä gurbanlygy üçin
niýetlenen guşy Hudaýa hödür edip, onuň
boýun oňurgasyny ýazdyrsyn, ýöne onuň
kellesini ýolup aýyrmasyn. 9 Onsoň ru-
hany günä gurbanlygy üçin berlen guşuň
ganyndan gurbanlyk sypasynyň gapda-
lyna biraz sepeläp, galan gany gurbanlyk
sypasynyň düýbüne akdyrsyn. Bu günä
gurbanlygydyr. 10 Beýlekisini ruhany
hököm boýunça, ýakma gurbanlygy
üçin Hudaýa hödür etsin. Şeýdip, ruha-
ny günä gurbanlygy üçin berlen gumry
ýa-da kepderi bilen günälini günäsinden
saplasyn we Hudaý onuň günäsini geçer.

11 Eger günäliniň iki gumra ýa-da iki
kepderä gurby çatmaýan bolsa, onda
ol eden günäsi üçin sadaka hökmünde
ondan bir batmana barabar saýlama
bugdaý ununy getirsin. Onuň üstüne
zeýtun ýagy guýulmasyn ýa-da ýakymly
ysly tütetgi goýulmasyn, çünki bu günä
gurbanlygydyr. 12 Ol ony ruhana getirip
bersin. Ruhany undan Rebbiň ýoluna
hödürlenen paý hökmünde bir goşawuç
alyp, ony Rebbe ot üsti bilen berilýän
sadaka paýy bilen bile gurbanlyk sypa-
synda ýaksyn. Bu günä gurbanlygydyr.
13 Ýokarda agzalan günälerden birini
eden günälini ruhany günä gurbanlygy
üçin berlen un bilen günäsinden saplasyn
we Hudaý onuň günäsini geçer. Galan
un galla sadakasy ýaly ruhanynyňky
bolar“».

### *Ýazyk gurbanlygy*

14 Reb Musa şeýle diýdi: 15 «Eger kimdir
biri tötänlikde Rebbe berilmeli sada-
kalary bermän günä gazansa, onda ol
Rebbe ýazyk gurbanlygy hökmünde
sürüden şikessiz bir goç getirsin. Ýazyk
gurbanlygynyň bahasy mukaddes öýüň
ölçegine görä kümüş bilen kesgitlensin.
16 Ol Hudaýa berilmeli sadakalarynyň
baryny, üstüne goşmaça bäşden birini
goşup, ruhana bersin. Ruhany ýazyk
gurbanlygyna berlen goç bilen günälini
günäsinden saplasyn we Hudaý onuň
günäsini geçer.
17 Eger kimde-kim Rebbiň beren buý-
ruklarynyň birini tötänlikde bozup, günä
gazansa, ol ýazyklydyr we öz jezasyny
çekmelidir. 18 Rebbe ýazyk gurbanlygy
hökmünde sürüden bir şikessiz goç ýa-da
şonuň ýerini tutjak zat getirsin. Ruhany
şu goç arkaly günälini tötänlikde eden
günäsinden saplasyn we Hudaý onuň
günäsini geçer. 19 Bu seniň Rebbe garşy
eden günäň üçin töleg hökmünde beril-
ýän ýazyk gurbanlygydyr».

## 6-njy bap

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Eger kimdir
biri amanat ýa-da girew goýan kişä bi-
wepalyk etse, ýa-da ogurlyk etse, ýa-da
ony aldap, Rebbiň tabşyryklaryny bozsa,
3-4 ýa ýiten zady tapyp alybam, bu hakda
ýalandan ant içip, ynsanyň edäýjek zatla-
rynyň birini edip günä gazanyp, soňam
öz eden günäsine düşünip, zorluk ýa-da
hile bilen alan ýa-da özüne amanat ber-
len, ýa-da biri tarapyndan ýitirilen we
özüniň tapan zadyny, 5 ýa-da ýalandan
ant içen islendik zadyny bütinligine we
onuň bäşden bir gymmatyny-da üstüne
goşup, öz ýazygyny bilen badyna, ony
eýesine gaýtaryp bersin. 6 Soňra ol özü-
niň Rebbe ýazyk gurbanlygy hökmünde
ruhana sürüden bir şikessiz goç ýa-da
onuň ýerini tutjak başga bir zat getirip
bersin. 7 Onsoň ruhany Rebbiň huzu-
rynda günälini günäsinden saplasyn we
şonda onuň nähili günä edendigine ga-
ramazdan, Hudaý onuň günäsini geçer».

### *Ýakma gurbanlygy*
*(Müsürden çykyş 29:38-43;*
*Çölde 28:1-8)*

8 Reb Musa şeýle diýdi: 9 «Haruna we
onuň ogullaryna tabşyr. Ýakma gurban-
lygynyň berliş kadasy şeýledir: Ýakma
gurbanlygy uzakly gije gurbanlyk sypa-
synyň üstünde goýulmalydyr. Gurbanlyk
sypasyndaky ot bolsa öçürilmeli däldir.
10 Ertesi irden ruhany egnine nepis zy-
gyr matadan tikilen içki geýimini we
onuň üstünden zygyr matadan tikilen
lybaslaryny geýsin. Soňra ol gurbanlyk
sypasynyň üstündäki otda ýanan ýak-
ma gurbanlyk malynyň külüni aýryp,
ony gurbanlyk sypasynyň gapdalynda

goýsun. 11 Onsoň ruhany zygyr matadan
tikilen lybaslaryny çykaryp, başga eşik-
lerini geýsin we küli düşelgäniň daşyna
çykaryp, halal ýere döksün. 12 Gurbanlyk
sypasynyň üstündäki ot mydama ýanyp
dursun, ol hiç haçan sönmesin. Ertir-
lerine ruhany oduň üstüne odun atsyn.
Ýakma gurbanlyk malynyň böleklenen
etlerini onuň üstüne örsün. Salamatlyk
gurbanlyklarynyň ýagyny-da otda ýak-
syn. 13 Gurbanlyk sypasynyň üstünde
hemişelik ot ýanyp dursun, ol hiç haçan
öçmesin.

### *Galla sadakasy*

14 Galla sadakasynyň berliş kadasy
şeýledir: Ony Harunyň ogullary Reb-
biň huzurynda, gurbanlyk sypasynyň
öňünde bersinler. 15 Ruhany galla sada-
kasynyň zeýtun ýagyna garylan saýlama
unundan we onuň üstündäki ýakymly
ysly tütetgiden goşawujyny dolduryp
alyp, olary Rebbiň ýoluna ot üsti bilen
berilýän sadaka paýy hökmünde gur-
banlyk sypasynda ýaksyn. Onuň ysy
Rebbe ýakymlydyr. 16 Onuň galanyny
Harun we onuň ogullary iýsin. Ondan
petir bişirilip, olar mukaddes ýerde, Reb-
be ýüz tutulýan çadyryň howlusynda
iýilsin. 17 Ol hamyrmaýasyz bolsun. Men
muny Rebbe ot üsti bilen berlen sada-
kalarymdan olaryň paýy hökmünde
berdim. Edil günä gurbanlygy we ýazyk
gurbanlygy ýaly bu galla sadakasy hem
örän mukaddes sadakadyr. 18 Harunyň
neslinden bolan her bir erkek göbekli bu
galla sadakasyndan iýip biler. Bu Rebbe
ot üsti bilen berlen sadakalardan onuň
nesilleri üçin ebedilik paýdyr. Bu galla
sadakasyna Harunyň ogullaryndan baş-
ga galtaşan her kes betbagtçylyga uçrar».
19 Reb Musa şeýle diýdi: 20 «Harunyň
we onuň ogullarynyň bellenen güni
Rebbe bermeli sadakasy, ine, şundan
ybaratdyr: saýlama bugdaý ununyň on-
dan bir batmanyny gündelik sadaka
hökmünde bersinler. Onuň ýarysy erti-
rine, beýleki ýarysy agşamyna berilsin.
21 Ol un zeýtun ýagyna ýugrulyp, saç-
da ýaga bişirilen petir bölekleri Rebbe
ýakymly ys çykarmak üçin galla sada-
kasy hökmünde hödür edilsin. 22 Galla
sadakasyny Harunyň neslinden bolan,
başyna ýag guýlup saýlanan baş ruha-
ny taýýarlamalydyr. Bu sadaka Rebbe
ebedilik paý hökmünde tutuşlygyna
ýakylsyn. 23 Ruhanynyň berýän her bir
galla sadakasy tutuşlygyna ýakylmaly-
dyr, ol iýilmeli däldir».

### *Günä gurbanlygy*

24 Reb Musa şeýle diýdi: 25 «Haruna we
onuň ogullaryna aýt: „Günä gurbanlygyň
berliş kadasy şeýledir: günä gurbanlygy
üçin berilýän malyň damagy Rebbiň
huzurynda, ýakma gurbanlyk malynyň
öldürilýän ýerinde çalynsyn. Bu örän
mukaddes gurbanlykdyr. 26 Ony günä
gurbanlygy üçin hödür eden ruhany iýsin.
Ol mukaddes ýerde, Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň howlusynda iýilsin. 27 Harunyň
ogullaryndan başga gurbanlyk malynyň
etine galtaşan her kes betbagtçylyga uçrar.
Eger onuň gany egin-eşige syçrasa, ol
mukaddes ýerde ýuwulsyn. 28 Gurbanlyk
malynyň eti gaýnadylan toýun gap dö-
wülsin. Eger ol bürünç gapda gaýnadylan
bolsa, ol gap sürtgüç bilen sürtülip, suw
bilen çaýkalsyn. 29 Ruhanylar urugyn-
dan bolan her bir erkek göbekli ondan
iýip biler. Bu gurbanlyk örän mukaddes
gurbanlykdyr. 30 Emma mukaddes otagda
günäden saplamak üçin, Rebbe ýüz tu-
tulýan çadyryň içine gany getirilen günä
gurbanlygy üçin berlen malyň eti iýilmeli
däldir. Ol oda ýakylmalydyr.

## 7-nji bap

### *Ýazyk gurbanlygy baradaky düzgünler*

1 Ýazyk gurbanlygy örän mukaddes
gurbanlykdyr. Onuň berliş kadasy şeýle-
dir: 2 ýazyk gurbanlyk malynyň damagy
ýakma gurbanlyk malynyň öldürilýän
ýerinde çalnyp, onuň gany gurban-
lyk sypasynyň çar tarapyna serpilsin.
3-4 Onuň ähli ýagy: guýruk ýagy, garyn
içegeleriniň daşyndaky ýagy, bildäki iki
böwregi daşynyň ýagy bilen we bagryň
ýüzündäki ýag perdesi böwrekler bilen
bile alnyp, Rebbe hödür edilsin. 5 Ruhany
olary Rebbe ot üsti bilen berilýän gur-
banlyk hökmünde gurbanlyk sypasynda
ýaksyn. Bu ýazyk gurbanlygydyr. 6 Ru-
hany maşgalasyndan bolan her bir erkek
göbekli ol mal etinden iýsin. Ol mukad-
des ýerde iýilsin, çünki bu gurbanlyk
örän mukaddes gurbanlykdyr. 7 Ýazyk
gurbanlygynyň berliş kadasy-da edil gü-
nä gurbanlygynyň berliş kadasy ýalydyr.
Ýazyk gurbanlygynyň eti ýazyklyny gü-
näsinden saplaýan ruhanynyňky bolsun.
8 Islendik kişiniň ýakma gurbanlygyny
hödürleýän ruhany gurbanlyga berlen
malyň derisini özüne alsyn. 9 Tamdyrda,
pitide ýa-da saçda taýýarlanan islendik
galla sadakasy ony Hudaýa hödürleýän
ruhanynyňky bolsun. 10 Emma zeýtun
ýagyna garylan ýa-da gury, bişirilme-
dik galla sadakasy Harun nesilleriniň
arasynda deň paýlaşylsyn.

### *Salamatlyk gurbanlygy baradaky düzgünler*

11 Rebbe hödür edilýän salamatlyk
gurbanlygynyň berliş kadasy şeýledir:
12-13 eger kimdir biri salamatlyk gur-
banlygyny Hudaýa şükür hökmünde
hödürleýän bolsa, onda ol gurbanlyk
beriljek mal bilen birlikde zeýtun ýa-
gyna ýugrulan külçeler, ýüzüne zeýtun
ýagy çalnan çelpekler we zeýtun ýagy-
na ýugrulyp, saýlama bugdaý unundan
bişirilen petir we çörek hödür etsin.
14 Bularyň hersinden bir çöregi Rebbe
üwreme sadakasy hökmünde bersin.
Olar salamatlyk gurbanlygynyň gany-
ny gurbanlyk sypasynyň çar tarapyna
serpýän ruhanynyňky bolsun. 15 Reb-
be alkyş hökmünde berlen salamatlyk
gurbanlygynyň eti bolsa hödür edilen
güni iýilsin. Gurbanlyk etiniň ýekeje
bölegi-de ertire galdyrylmasyn. 16 Eger
hödür edýän sadakaňyz aýdylan ýa-da
meýletin sadaka bolsa, onda ol hödür
edilen güni iýilsin. Ondan artyp galany
ertesi gün iýilsin. 17 Ondan artyp galany
bolsa, üçülenji gün oda ýakylsyn. 18 Eger
salamatlyk gurbanlygynyň etinden üçü-
lenji gün iýilse, onda ol kabul bolmaz
we ony hödür eden üçin hasaba alynmaz.
Ol nejisdir, ondan iýen jezany çekmeli.
19 Eger gurbanlyk malynyň eti islendik
haram zada galtaşsa, ol iýilmesin, oda
ýakylsyn, halal eti haram saýylmadyk
kişi iýip biler. 20 Eger kimde-kim haram
bolubam, Rebbe hödür edilen salamat-
lyk gurbanlygynyň etinden iýse, ol öz
halkynyň arasyndan kowlup çykarylsyn.
21 Eger kimde-kim islendik haram zada:
ynsan haramlyklaryna, haram mala ýa-
da islendik haram jandara galtaşybam,
Rebbe hödür edilen salamatlyk gurban-
lygynyň etinden iýse, ol öz halkynyň
arasyndan kowlup çykarylsyn“». 22 Reb
Musa şeýle diýdi: 23 «Ysraýyl halkyna
aýt: „Öküziň, goýnuň ýa-da geçiniň hiç
bir ýagyny iýmesinler. 24 Ölen malyň
ýa-da ýyrtyjylaryň parçalan malynyň
ýagy her hili maksatlar üçin ulanylyp
bilner, emma ol hiç haçan iýilmeli däldir.

25 Kimde-kim Rebbe ot üsti bilen beril-
ýän gurbanlyk malynyň ýagyndan iýse,
ol ysraýyl halkynyň arasyndan kowlup
çykarylsyn. 26 Nirede ýaşaýandykla-
ryna garamazdan, guşuňkymy ýa-da
haýwanyňkymy – parhy ýok, olar hiç
hili gan iýmesinler. 27 Eger kimde-kim
gan iýse, nämäniň ganydygynyň parhy
ýok, ol öz halkynyň arasyndan kowlup
çykarylsyn“».

28 Reb Musa şeýle diýdi: 29 «Ysraýyl
halkyna aýt: „Kim Rebbe salamatlyk
gurbanlygyny hödür etmekçi bolsa, ol
Rebbe aýratyn sadakany öz salamatlyk
gurbanlygynyň malyndan bersin. 30 Sada-
ka berýän adamyň özi gurbanlyk berlen
malyň ýagyny onuň döşi bilen birlikde
getirip, olary Rebbe ot üsti bilen berilýän
göterme sadakasy hökmünde ýokary
galdyrsyn. 31 Ruhany ýagy gurbanlyk
sypasynda ýaksyn, emma gurbanlyk
malynyň döşi Harunyň ogullarynyňky
bolmalydyr. 32 Şeýle hem salamatlyk
gurbanlygyňyzyň sag buduny-da sadaka
hökmünde ruhana beriň. 33 Gurbanlyk
malynyň paý hökmünde berilýän bu
sag buduny, salamatlyk gurbanlygynyň
ganyny we ýagyny hödürlän ruhany
alsyn. 34 Çünki Men ysraýyl halkyndan
olaryň salamatlyk gurbanlyklaryndan
Rebbe göterme sadakasy hökmünde
hödürlenen döşi we sag budy aldym.
Olary Men ysraýyl halkyndan ruhany
Haruna we onuň ogullaryna ebedilik paý
hökmünde berdim. 35 Harunyň we onuň
ogullarynyň Rebbe ruhany hökmünde
gulluk etmäge başlan günlerinden bäri
Rebbe ot üsti bilen berilýän sadakalardan
olara degişli paý şudur“». 36 Munuň ysra-
ýyl halkyndan ebedilik parz hökmünde
ruhanylara berilmelidigini, Haruny we
onuň ogullaryny wezipä bellän güni Reb
maňa buýurdy. 37 Ýakma gurbanlygynyň,
galla sadakasynyň, günä gurbanlygynyň,
ýazyk gurbanlygynyň, belleme sadaka-
synyň we salamatlyk gurbanlygynyň
berliş kadasy şulardan ybaratdyr. 38 Si-
naý çölünde Reb Özüne gurbanlykdyr
sadakalar bermekligi ysraýyl halkyna
buýran güni Ol Musa bu tabşyrygy berdi.

## 8-nji bap

***Musa Haruny we onuň ogullaryny ruhanylyga belleýär***
*(Müsürden çykyş 29:1-37)*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2-3 «Haruny
we onuň ogullaryny, olaryň ruhanylyk
lybaslaryny, mesh ýagyny, günä gur-
banlygy üçin berilýän öküzçäni, iki
sany goçy we petirli sebedi al-da, bü-
tin halky Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
agzyna üýşür». 4 Musa Rebbiň buýruşy
ýaly-da etdi. Bütin halk Rebbe ýüz tutu-
lýan çadyryň agzyna ýygnandy. 5 Musa
halka ýüzlenip: «Men Rebbiň özüme
beren şu aşakdaky tabşyryklaryny ýe-
rine ýetirmelidirin» diýdi. 6 Şundan soň,
Musa Haruny we onuň ogullaryny öňe
çykaryp, olardan ýuwunmaklaryny talap
etdi. 7 Soňra Musa Harunyň egnine uzyn
köýnek we don geýdirip, onuň bilini
guşak bilen guşady. Musa onuň donu-
nyň üstünden efot geýdirip, ony bezelen
guşak bilen Harunyň arkasyna berkitdi.
8 Onuň döşüne gursakça dakyp, onuň içi-
ne Urymy we Tummymy [a] saldy. 9 Musa
Harunyň kellesine selle orady. Selläniň
öň tarapynda bolsa, altyn bezegi – mu-
kaddes täji goýdy. Musa bar zady Rebbiň

[a] **8:8** ***Urym we Tummym*** – Hudaýyň islegini bilmek üçin ruhanylar tarapyndan ulanylan iki sany daş. Sözlüge seret.

tabşyryşy ýaly etdi. 10 Soňra Musa mesh
ýagy alyp, ony mukaddes çadyra we
onuň içindäki ähli enjamlaryň üstüne
sepeläp, olary mukaddes etdi. 11 Ýagdan
ýedi sapar gurbanlyk sypasynyň üstüne
sepeläp, ol gurbanlyk sypasyny, onuň
ähli enjamlaryny, legeni we onuň sü-
tünini mukaddes etdi. 12 Bagyş etmek
üçin, Musa Harunyň başyna mesh ýa-
gyny guýdy. 13 Onsoň Musa Harunyň
ogullaryny getirdi. Olaryň eginlerine
köýneklerini geýdirip, billerine guşak
guşap, kellelerine selle orady. Musa
bar zady Rebbiň özüne tabşyryşy ýaly
etdi. 14 Soňra ol günä gurbanlygynyň
öküzçesini idip getirdi. Harun we onuň
ogullary, ellerini öküzçäniň kellesine
goýdular. 15 Musa öküzçäniň damagyny
çaldy. Ol öküzçäniň ganyndan alyp, ony
gurbanlyk sypasynyň şahlaryna bar-
magy bilen çalyp, gurbanlyk sypasyny
halallady. Galan gany bolsa, ol gurban-
lyk sypasynyň düýbüne dökdi. Şeýdip,
Musa gurbanlyk sypasyny halallamak
üçin ony mukaddes etdi. 16 Onsoň Musa
garyn içegeleriň daşyndaky bar ýaglary
we bagryň ýüzündäki ýag perdesini, iki
böwregi daşynyň ýagy bilen alyp, olary
gurbanlyk sypasynda ýakdy. 17 Emma
öküzçäniň özüni, derisini, etini we içgo-
şuny Rebbiň özüne tabşyryşy ýaly, Musa
düşelgäniň daşyna çykardyp ýakdyrdy.

18 Soňra ol ýakma gurbanlygy üçin
berilýän goçy getirdi. Harun we onuň
ogullary ellerini goçuň kellesine goý-
dular. 19 Goçuň damagy çalyndy. Musa
onuň ganyndan alyp, gurbanlyk sypa-
synyň çar tarapyna serpdi. 20 Ol goçy
bölekledi, kellesini we içýagyny, onuň
galan bölekleri bilen bile oda ýakdy.
21 Goçuň garyn-içegeleri we aýaklary
ýuwlandan soň, Musa goçy bütinligine
gurbanlyk sypasynda ýakdy. Bu Rebbe
ýaraýan ýakymly ys çykarmak üçin
berilýän ýakma gurbanlygydy, ýagny
Rebbiň Musa tabşyryşy ýaly, Rebbe ot
üsti bilen berlen gurbanlykdy.

22 Soňra ol hödür edilen ikinji goçy,
belleme goçuny getirdi. Harun we onuň
ogullary ellerini goçuň kellesine goýdu-
lar. 23 Musa goçuň damagyny çalyp, onuň
ganyndan aldy. Harunyň sag gulagynyň
ýumşak etli ýerine, sag eliniň we sag
aýagynyň başam barmagyna gan çaldy.
24 Onsoň Harunyň ogullaryny öňe çykar-
dylar. Musa olaryňam sag gulaklarynyň
ýumşak etli ýerine, sag elleriniň we sag
aýaklarynyň başam barmaklaryna gan
çaldy. Galan gany bolsa ol gurbanlyk
sypasynyň çar tarapyna serpdi. 25 Soňra
Musa goçuň ýaglaryny – guýruk ýagyny,
garyn-içegeleriň daşyndaky bar ýaglary,
bagryň ýüzündäki ýag perdesini, iki
böwregi daşynyň ýagy bilen we sag budy
aldy. 26 Musa Rebbiň huzuryndaky petirli
sebetden bir petiri, zeýtun ýagyna ýug-
rulan hamyrmaýasyz külçäni, bir çelpegi
alyp, olary ýagyň we goçuň sag budunyň
üstünde goýdy. 27 Bu zatlaryň hemmesi-
ni Musa Harun bilen onuň ogullarynyň
eliniň aýasynda goýup, Rebbe göterme
sadakasy hökmünde ýokary galdyrdy.
28 Soňra Musa bu zatlary olaryň ellerin-
den alyp, olary gurbanlyk sypasynda,
ýakma gurbanlygy bilen bilelikde ýakdy.
Bu Rebbe ot üsti bilen berlen ýakymly
ysly belleme sadakasydy. 29 Onsoň Musa
döşi alyp, ony Rebbe göterme sadakasy
hökmünde ýokary galdyrdy. Bu belleme
goçundan Musanyň paýydy. Musa bar
zady Rebbiň tabşyryşy ýaly etdi. 30 Musa
mesh ýagyndan we gurbanlyk sypasynyň
üstündäki gandan alyp, Harunyň üstüne
we eşiklerine, onuň ogullarynyň üstüne
we eşiklerine sepeledi. Şeýdip, Haruny
we onuň eşiklerini, onuň ogullaryny we

olaryň eşiklerini bagyş etdi. 31 Onsoň
Musa Haruna we onuň ogullaryna şeýle
diýdi: «Eti Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
agzynda bişiriň-de, ony şol ýerde belle-
me sadakalary üçin niýetlenen sebetdäki
çörek bilen iýiň. Hudaý maňa: „Muny
Harun we onuň ogullary iýsin“ diýdi.
32 Etden we çörekden artanyny bolsa ýa-
kyň. 33 Belleme dabarasy tamamlanýança,
siz ýedi günläp, Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň agzyndan daşlaşmaň. Çünki
bellenme dabarasy ýedi gün dowam
etmelidir. 34 Bu günki ýerine ýetirilen
her bir iş Rebbiň tabşyrygy boýunça,
siziň günäleriňizden saplanmagyňyz
üçin edildi. 35 Siz ýedi gije-gündiziň
dowamynda Rebbe ýüz tutulýan çady-
ryň agzynda bolup, Rebbiň buýrugyny
berjaý ediň, ýogsam ölersiňiz. Maňa
Rebbiň buýrugy şeýledir». 36 Harun we
onuň ogullary Rebbiň Musa arkaly be-
ren ähli tabşyryklaryny berjaý etdiler.

## 9-njy bap

### *Harun gurbanlyk berýär*

1 Sekizlenji gün Musa Haruny, onuň
ogullaryny we Ysraýyl ýaşulularyny
çagyrdy. 2 Ol Haruna şeýle diýdi: «Özü-
ňe günä gurbanlygy üçin bir şikessiz
göläni, ýakma gurbanlygy üçin hem bir
şikessiz goçy alyp, olary Rebbe hödür
et. 3-4 Ysraýyl halkyna-da aýt, goý, olar
hem günä gurbanlygy üçin bir erkeji,
ýakma gurbanlygy üçin hem şikessiz
birýaşar göläni we guzyny Rebbiň hu-
zurynda gurbanlyk edip bererleri ýaly,
salamatlyk gurbanlygy üçin bir öküzçä-
ni, bir goçy we zeýtun ýagyna garylan
galla sadakasyny getirsinler, çünki bu
gün Reb size görner». 5 Olar Musanyň
buýran zatlaryny Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň öňüne getirdiler we bütin halk
golaýa gelip, Rebbiň huzurynda durdy.
6 Musa olara: «Rebbiň şöhratynyň size
görneri ýaly, Rebbiň size beren tabşyry-
gy şudur» diýdi. 7 Onsoň Musa Haruna
şeýle diýdi: «Gurbanlyk sypasyna go-
laý bar-da, öz günä gurbanlygyňy we
ýakma gurbanlygyňy ber, özüňi we
halkyňy günälerinden sapla. Rebbiň
buýruşy ýaly, halky beren gurbanlygy
bilen günälerinden sapla».

8 Harun gurbanlyk sypasynyň ýanyna
baryp, özi üçin berilýän günä gurban-
lygynyň gölesiniň damagyny çaldy.
9 Harunyň ogullary gurbanlygyň ga-
nyny ruhana getirip berdiler. Harun
barmagyny gana batyryp, gurbanlyk
sypasynyň şahlaryna çaldy we galan ga-
ny bolsa gurbanlyk sypasynyň düýbüne
dökdi. 10 Emma Harun günä gurbanlygy
üçin berlen malyň ýagyny, iki böwregi
daşynyň ýagy bilen we bagryň ýüzün-
däki ýag perdesini gurbanlyk sypasynda
ýakyp, Rebbiň Musa tabşyryşy ýaly et-
di. 11 Malyň galanyny ol deri bilen bile
düşelgäniň daşynda ýakdy. 12 Soňra ol
ýakma gurbanlyk malynyň damagyny
çaldy. Harunyň ogullary gurbanlygyň
ganyny onuň ýanyna getirdiler, Harun
gany gurbanlyk sypasynyň çar tarapy-
na serpdi. 13 Harunyň ogullary ýakma
gurbanlyk malyny böleklere bölüp, ony
kellesi bilen bile Haruna getirip berdi-
ler. Harun olary tutuşlygyna gurbanlyk
sypasynda ýakdy. 14 Harun garyn-içege-
leri we aýaklary ýuwup, olary ýakma
gurbanlygy bilen bilelikde gurbanlyk
sypasynda ýakdy.

15 Soňra Harun halkyň gurbanlygyny
hödürledi. Ol halkyň günäleri üçin gur-
ban ediljek erkeji getirip, onuň damagyny
çaldy-da, öňki gurbanlyk ýaly, muny
hem günä gurbanlygy hökmünde hödür-
ledi. 16 Harun ýakma gurbanlygyny-da

hödürläp, ony düzgün boýunça hödür
etdi. 17Onsoň ol galla sadakasyny hö-
dürläp, ondan goşawujyny dolduryp
aldy-da, ony gurbanlyk sypasynda ýakdy.
Bu galla sadakasy ertirlerine berilýän
ýakma gurbanlyklaryndan daşarydy.
18Harun halk üçin salamatlyk gurbanly-
gy hökmünde berilýän öküziň we goçuň
damagyny çaldy. Harunyň ogullary
gany onuň ýanyna getirdiler. Harun
gany gurbanlyk sypasynyň çar tarapyna
serpdi. 19Şeýle hem, Harunyň ogullary
öküziň we goçuň ýaglaryny: guýruk
ýaglaryny, garyn-içegeleriň daşyndaky
ýaglary, iki böwregi daşynyň ýagy bilen,
bagryň ýüzündäki ýag perdesini Haru-
na getirip berdiler. 20Harun bu ýaglary
döşleriň üstünde goýup, olary gurbanlyk
sypanyň üstünde ýakdy. 21Soňra Musa-
nyň tabşyryşy ýaly edip, Harun döşleri
we sag budy Rebbe göterme sadakasy
hökmünde ýokary galdyrdy.

22Harun günä gurbanlygyny, ýakma
gurbanlygyny, salamatlyk gurbanlygyny
berenden soň, ellerini halka tarap uza-
dyp, olara ak pata berdi we aşak düşdi.
23Musa bilen Harun Rebbe ýüz tutulýan
çadyra girdiler, soňra daşary çykyp,
halka ak pata berdiler. Şol wagt Rebbiň
şöhraty bütin halka göründi. 24Rebbiň
huzuryndan ot geldi, ot gurbanlyk sy-
pasynyň üstündäki günä gurbanlygyny
we ýagy ýakyp, olary küle öwürdi. Bu
ahwalaty gören bütin halk gygyryşyp
ýüzin ýykyldy.

## 10-njy bap

### *Nadabyň we Abyhuwyň eden günäsi*

1Bir gün Harunyň ogullary Nadap bi-
len Abyhu kül atarlaryny alyp, oňa köz
saldylar we onuň üstüne ýakymly ysly
tütetgini goýup, ony Rebbiň huzuryna
eltdiler. Emma bu ot mukaddes däldi,
çünki Reb ony olara hödürläň diýip tab-
şyryk bermändi. 2Rebbiň huzuryndan
duýdansyz ot gelip, Harunyň ogullaryny
ýakyp kül etdi we olar Rebbiň huzuryn-
da şol bada jan berdiler. 3Onsoň Musa
Haruna: «Ine, bu Rebbiň: „Hyzmatymy
edýän ruhanylar Meniň mukaddesligi-
me hormat goýmalydyrlar. Bütin halk
Meni şöhratlamalydyr“ diýeni şudur»
diýdi. Harun sesini çykarmady. 4Mu-
sa Harunyň daýysy Uzyýeliň ogullary
Mişaýyl bilen Elsapany çagyryp, ola-
ra: «Öňe çykyň-da, garyndaşlaryňyzy
mukaddes otagyň öňünden aýryp, dü-
şelgäniň daşyna çykaryň» diýdi. 5Olar
öňe çykyp, Musanyň aýdyşy ýaly, olary
köýneklerinden tutup, düşelgäniň daşy-
na çykardylar. 6Soňra Musa Haruna we
onuň ogullary Elgazar bilen Ytamara
şeýle diýdi: «Saçlaryňyz daralmadyk
bolmasyn, ýas baglap, ýakaňyzy ýyrt-
maň. Eger siz şularyň birini etseňiz,
ölersiňiz we Rebbiň gazaby bütin halkyň
başyndan iner. Emma siziň garyndaş-
laryňyz we bütin ysraýyl halky Rebbiň
ot üsti bilen ýok edenleri üçin ýas tutup
bilerler. 7Siz welin Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň agzyndan aýrylyp, daşary çyk-
maň, ýogsam ölersiňiz, çünki depäňize
Rebbiň mesh ýagy sürtülendir». Olar
Musanyň buýruşy ýaly etdiler.

8Reb Haruna şeýle diýdi: 9«Özüňem,
ogullaryňam Rebbe ýüz tutulýan çadyra
çakyr ýa-da şerap içip girmäň, ýogsam
ölersiňiz. Bu siziň nesilleriňiz üçin hem
ebedilik düzgün bolsun. 10Siz mukaddes
zat bilen ýönekeý zady, halal bilen haramy
biri-birinden tapawutlandyrmalysyňyz.
11Meniň Musa arkaly size beren parzla-
rymy ysraýyl halkyna öwretmelisiňiz».

12Musa Haruna we onuň galan ogul-
lary Elgazar bilen Ytamara şeýle diýdi:

«Rebbe ot üsti bilen berlen sadakalardan
artan galla sadakasyny alyň. Ondan
petir bişirip, ony gurbanlyk sypasynyň
ýanynda iýiň, çünki ol örän mukaddes
sadakadyr. 13 Siz ony mukaddes ýerde
iýmelisiňiz. Bu Rebbe ot üsti bilen beril-
ýän gurbanlyklar seniň we ogullaryňyň
paýydyr. Çünki Reb maňa şeýle buýurdy.
14 Emma Rebbe göterme sadaka hök-
münde berlen döş bilen üwreme sadaka
hökmünde budy sen öz ogullaryň we
gyzlaryň bilen bile islendik halal ýerde
iýip bilersiň. Çünki bular ysraýyl hal-
kynyň salamatlyk gurbanlyklaryndan
saňa we seniň çagalaryňa berlen paýdyr.
15 Üwreme sadakasy hökmünde budy we
Rebbe ýokary galdyrylan göterme sada-
kasy hökmünde döşi olar Rebbe ot üsti
bilen berilýän ýag gurbanlygy bilen bir-
likde getirsinler. Bular Rebbiň tabşyryşy
ýaly, saňa we seniň ogullaryňa ebedilik
berlen paý bolsun». 16 Onsoň Musa günä
gurbanlygynyň erkejini sorady, görse, ol
eýýäm ýakylan eken. Muňa Musanyň ga-
ty gahary gelip, ol Harunyň aman galan
ogullary Elgazar bilen Ytamara şeýle diý-
di: 17 «Näme üçin siz günä gurbanlygyny
mukaddes öýüň ýanynda iýmediňiz? Ol
örän mukaddes gurbanlykdyr, ony size
Reb Öz huzurynda halky günälerinden
saplamagyňyz üçin berdi ahyryn. 18 Gur-
banlyk malynyň gany mukaddes otaga
getirilmändir. Meniň tabşyrygyma görä,
siz bu gurbanlygy hökman mukaddes
öýüň ýanynda iýmelidiňiz». 19 Harun
Musa ýüzlenip şeýle diýdi: «Ine, meniň
ogullarym bu gün Rebbiň huzurynda
günä hem-de ýakma gurbanlyklaryny
berdi. Meniň başymdan bolsa betbagt-
çylyk indi, muňa garamazdan, bu gün
men günä gurbanlygyndan iýen bolsam,
bu Rebbe ýararmydy?» 20 Muny eşiden
Musa onuň bilen razylaşdy.

## 11-nji bap

### *Halal we haram jandarlar*
*(Kanun taglymaty 14:3-21)*

1 Reb Musa hem-de Haruna şeýle diýdi:
2-3 «Ysraýyl halkyna aýt: „Gury ýerde
ýaşaýan jandarlaryň arasyndan siziň
iýip biljekleriňiz şulardyr: goşatoýnakly,
gäwüşeýän islendik haýwany. 4-6 Emma
gäwüş gaýtarýan haýwanlardan ýa-da
goşatoýnakly haýwanlardan düýäni, at-
ýalmany we towşany iýmeli dälsiňiz,
çünki olar gäwüş gaýtarýarlar, emma
olar goşatoýnakly däldirler, bular siziň
üçin haramdyr. 7 Goşatoýnaklydygyna
garamazdan, doňuz hem toýnagy ýa-
rykly bolsa-da, gäwüş gaýtarmaýar, bu
siziň üçin haramdyr. 8 Siz olaryň etini
iýmäň we läşini-de ellemäň. 9 Suwda
ýaşaýan ähli jandarlardan şulary iýip
bilersiňiz: akar suwda ýa-da deňizdedi-
gine garamazdan, ýüzgüçli hem teňňeli
jandarlaryň islendigini iýip bilersiňiz.
10 Suwda ýaşaýan islendik ýüzgüçsiz
we teňňesiz süýrenijiler we deňizdäki
beýleki kiçi jandarlaryň ählisi siziň
üçin nejisdir. 11 Bu jandarlar ysraýyl
halky üçin nejisligine galsyn. Olaryň
etini iýmäň, olaryň maslygyna galtaş-
maň. 12 Suwda ýaşaýan ýüzgüçsiz we
teňňesiz jandarlaryň bary siziň üçin
nejisdir. 13 Guşlardan şu aşakdakylar
siziň üçin nejisdir: bürgüt, garaguş we
derýa bürgüdi; 14-16 çaýçaňňalak, laçynyň
ähli görnüşleri, garganyň ähli görnüş-
leri, düýeguş, hüwi, çarlak, gyrgynyň
ähli görnüşleri; 17-19 baýguş, jüptün, uly
baýguş, ak baýguş, gotan we dazzar-
kel, leglek, hokgaryň ähli görnüşleri,
hüýpüýpik we ýarganat. 20 Dört aýakly,
ganatly mör-möjekleriň hemmesi si-
ziň üçin nejisdir. 21 Ýöne dört aýakly

ganatly mör-möjeklerden ýerde böker
ýaly aýagy bogunlylaryny iýip bilersi-
ňiz. [22]Olardan çekirtge görnüşlileri, çöl
çekirtge görnüşlileri, jyzlan görnüşlileri,
ýaşyl çekirtge görnüşlileri iýip bilersi-
ňiz. [23]Emma galan dört aýakly, ganatly
mör-möjekleriň bary siziň üçin nejisdir.
[24]Kimde-kim olaryň maslygyna gal-
taşsa, ol agşama çenli haram saýylsyn.
[25]Kimde-kim bularyň maslygynyň is-
lendik bölegini göterse, ol eşiklerini
ýuwsun we agşama çenli haram saýylsyn.
[26]Toýnakly bolup, emma toýnagy ýaryk
bolmadyk ýa-da gäwüş gaýtarmaýan her
bir haýwan siziň üçin haramdyr. [27]Dört
aýakly jandarlaryň arasynda penjesini
ýere urup ýöreýänleriniň bary siziň üçin
haramdyr. Kimde-kim bu haýwanlaryň
maslygyna galtaşsa, ol agşama çenli
haram saýylsyn. [28]Olaryň maslygyny
göteren adam eşiklerini ýuwsun, ol ag-
şama çenli haram saýylsyn. Çünki bu
haýwanlar siziň üçin haramdyr.
[29-30]Guryýer süýrenijilerden şular:
ýalman, syçan, görnüşine görä uly su-
wulgan, hažžyk, zemzen, suwulgan,
çäge suwulgany we hameleon siziň üçin
haramdyr. [31]Süýreniji jandarlardan şular
size haramdyr. Kimde-kim olaryň mas-
lygyna galtaşsa, ol agşama çenli haram
saýylsyn. [32]Bularyň biriniň maslygy
bir zadyň üstüne gaçsa, şol zat haram
bolar. Ol islendik ulanylýan zat: agaç
gap bolsun, eginbaş bolsun, deri bolsun,
halta bolsun – parhy ýok, olar suwa
sokulyp çykarylmalydyr we ol agşama
çenli haram saýylmalydyr. Şondan soň
ol halal bolar. [33]Eger bu jandarlaryň
biriniň maslygy islendik toýun gabyň
içine düşse, onuň içindäki ähli zat ha-
raplanar we ol gaby döwüň. [34]Islendik
iýmit şular ýaly gapda ýuwulsa, ol iýmit
haraplanar. Şular ýaly gapdan içilýän
islendik içgiler-de haraplanar. [35]Olaryň
maslygynyň bir böleginiň üstüne gaçan
islendik zat haraplanar. Tamdyrdygyna
ýa-da ojakdygyna garamazdan, ol ýy-
kylmalydyr. Olar harapdyr we siziň üçin
hem harap bolmalydyr. [36]Muňa gara-
mazdan, çeşme ýa-da guýy halallygyna
galar, emma bu jandarlaryň maslygyna
galtaşan islendik adam we islendik zat
haraplanar. [37]Eger olaryň maslygynyň bir
bölegi, ekilmek üçin aýry goýlan islendik
tohumyň üstüne gaçsa, ol halallygyna
galýandyr. [38]Emma olaryň maslygynyň
bir bölegi ezilen tohumyň içine gaçsa,
onda tohum siziň üçin harapdyr. [39]Eger
halal jandarlaryň biri ölüp, onuň mas-
lygyna galtaşan her kes, agşama çenli
haram saýylsyn. [40]Onuň etinden iýen
adam, eşiklerini ýuwsun we ol agşama
çenli haram saýylsyn; onuň maslygyny
göteren adam eşiklerini ýuwsun we ol
agşama çenli haram saýylsyn.
[41]Guryýer süýrenijileriň bary siziň üçin
nejisdir. Olar iýilmeli däldir. [42]Siz gar-
nynda süýşýän süýrenijileri, dört aýakly
ýa-da köp aýakly süýrenijileri iýmeli
dälsiňiz. Çünki olar siziň üçin nejisdirler.
[43]Süýrenip ýöreýän jandarlardan haýsy-
dyr birini iýip, siz özüňizi haram etmäň.
[44]Hudaýyňyz Reb Mendirin. Şonuň üçin
hem siz tämizlenip, mukaddes boluň,
çünki Men mukaddesdirin. Guryýer
süýrenijilerini iýip, özüňizi haram etmäň.
[45]Men – Reb sizi Müsür topragyndan
siziň Hudaýyňyz bolmak üçin alyp gel-
dim. Siz mukaddes bolmalysyňyz, çünki
Men mukaddesdirin“». [46-47]Bu kanun
haram bilen halaly, iýilýän jandar bilen
iýilmeýän jandary biri-birinden tapawut-
landyrmak üçin niýetlenendir. Şeýle hem
ýerde ýaşaýan haýwanlar, guşlar, suwda
ýaşaýan jandarlar, guryýer süýrenijileri
hakyndaky kanundyr.

## 12-nji bap

### *Dogrumdan soňky tämizleniş*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyl
halkyna aýt: „Eger göwreli aýal ogul
dogursa, edil aýbaşy görýän döwründäki
ýaly, ol aýal ýedi günläp haramdyr. 3 Dog-
lan çaga sekizlenji gün sünnet edilsin.
4 Aýalyň gandan tämizleniş döwri otuz
üç gün dowam eder. Ol özüniň tämizle-
niş döwri gutarýança, hiç bir mukaddes
zada galtaşmasyn ýa-da mukaddes öýe
girmesin. 5 Eger aýal gyz dogursa, ol edil
aýbaşy görýän döwründäki ýaly, iki hep-
deläp haramdyr. Onuň gandan tämizleniş
döwri altmyş alty gün dowam eder. 6 Ogul
üçinmi ýa-da gyz üçin – parhy ýok, aýal
özüniň tämizleniş döwri tamamlanandan
soň, ol ýakma gurbanlygy üçin birýaşar
toklyny we günä gurbanlygy üçin bir
kepderini ýa-da gumryny Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň agzyndaky ruhana geti-
rip bersin. 7 Ruhany bu ýakma gurbanlyk
janlysyny Rebbiň huzurynda hödür edip,
ol aýaly haramlygyndan tämizlesin. Şon-
dan soň ol aýal gan akma haramlygyndan
tämizlener. Ogul ýa-da gyz dograndygy-
na garamazdan, çaga dogran aýal üçin
kanun şeýledir. 8 Eger dogran aýalyň
tokla gurby çatmasa, onda ol iki gum-
ryny ýa-da iki kepderini – birini ýakma
gurbanlygy üçin, beýlekisini günä gur-
banlygy üçin getirsin. Ruhany-da ol aýaly
hödür eden ýakma gurbanlygy bilen
haramlygyndan tämizlesin. Şondan soň
ol aýal tämiz bolar“».

## 13-nji bap

### *Deri keselleri hakda*

1 Reb Musa we Haruna şeýle diý-
di: 2 «Eger kimdir biriniň derisinde
pakgarma, gotur ýa-da menek peýda
bolup, ol deri keseline öwrülse, ol adam
ruhany Harunyň ýa-da onuň ogullary-
nyň biriniň ýanyna getirilsin. 3 Ruhany
onuň endamyndaky deri keselini barla-
syn. Eger deriniň keselli ýeriniň gyllary
agaryp, ol deriden aşak geçen bolsa,
onda bu deri keselidir. Ruhany deri ke-
sellini gözden geçirenden soň, ony haram
diýip yglan etsin. 4 Emma keselliniň en-
damyndaky menek ak bolup, ol deriniň
astyna geçmän, deriniň keselli ýeriniň
gyllary agarmadyk bolsa, onda ruhany
deri kesellini ýedi günläp aýry sakla-
syn. 5 Ýedinji gün ruhany deri kesellini
gözden geçirsin. Eger deri keseli enda-
ma ýaýraman, öňküligine galan bolsa,
onda ruhany deri kesellini ýene-de ýedi
günläp aýry saklasyn. 6 Ýedinji günde
ruhany ony ýene gözden geçirsin. Eger
deri keseli solup, endama ýaýramadyk
bolsa, ruhany deri kesellini tämiz diýip
yglan etsin. Bu diňe goturdyr, ol adam
geýimlerini ýuwsun we diňe şondan
soň ol tämiz bolar. 7 Ýöne deri keselli
adam tämizlenmek üçin özüni ruhana
görkezenden soň, gotur onuň endamyna
ýaýrap ugrasa, ol ýene-de ruhanynyň
ýanyna gelsin. 8 Ruhany ony ýene-de
gözden geçirsin. Eger gotur onuň enda-
myna ýaýran bolsa, ruhany deri kesellini
haram diýip yglan etsin. Bu deri keselidir.

9 Eger kimdir biri deri keseline ýo-
luksa, ol ruhanynyň ýanyna getirilsin.
10-11 Ruhany ony gözden geçirsin. Eger
onuň derisinde ak pakgarma bolup, onuň
üstündäki gyllar agaryp, açyk ýara dörän
bolsa, bu ötüşen ýokançly deri keseli-
dir. Ruhany deri kesellini haram diýip
yglan etsin. Ruhana kesellini aýry sak-
lamak gerek däldir, çünki ol haramdyr.
12-13 Emma deri keseli endama ýaýrap,
ol keselliniň başyndan aýagyna çenli

bütin endamyny tutan bolsa, ruhany ony
gözden geçirsin. Eger deri keseli onuň
tutuş endamyna ýaýran bolsa, ruhany
kesellini tämiz diýip yglan etsin. Di-
ňe bütin endamynyň agaranlygy üçin
keselli tämizdir. 14 Emma kesselliniň en-
damyndaky ýaranyň içindäki et gyzaran
bolsa, ol şol günüň özünde haram diýip
yglan edilsin. 15 Ruhany ony ýene-de
gözden geçirsin. Eger ruhany deridäki,
ýaranyň içinde gyp-gyzyl et görse, ol
deri kesellini haram diýip yglan etsin.
Ýaranyň içinde gyzaran et harapdyr,
çünki ol deri keselidir. 16 Emma ýaranyň
içinde gögeren gyp-gyzyl et agarsa, ol
deri keselli adam ruhanynyň ýanyna
gelsin. 17 Ruhany ony gözden geçirsin.
Eger ýaranyň içinde gögeren gyp-gyzyl
et agaran bolsa, ruhany deri kesellini
tämiz diýip yglan etsin. Ol tämizdir.

18-19 Eger biriniň endamyna çyban çy-
kyp, gowulaşandan soň çybanyň ýerinde
ak pakgarma ýa-da gyzylymtyl ak menek
peýda bolsa, ol ruhana görkezilmelidir.
20 Ruhany ony gözden geçirsin, eger şol
gyzylymtyl ak menek deriden aşak geçip,
ondaky gyllar agaran bolsa, ruhany ol
adamy haram diýip yglan etsin. Ol çy-
ban çykan ýerden dörän deri keselidir.
21 Emma ruhany deri kesellini gözden
geçirende, gyzylymtyl ak menegiň üs-
tündäki gyllar agarmadyk bolsa we ol
deriden aşak geçmedik bolsa, onda ru-
hany deri kesellini ýedi günläp aýry
saklasyn. 22 Eger gyzylymtyl ak menek
onuň bütin endamyna ýaýran bolsa, ru-
hany ony haram diýip yglan etsin. Bu
ýokançly deri keselidir. 23 Emma bu me-
nek bir ýerde bolup, endama ýaýramadyk
bolsa, onda bu çybandan galan yzdyr.
Ruhany ol adamy tämiz diýip yglan etsin.

24-25 Eger kimdir biriniň endamynda
ýanyk bolup, ol ýanyk ýarasy gyzylymtyl
ak ýa-da çuw-ak menege öwrülse, ruha-
ny ony gözden geçirsin. Eger menekdäki
gyllar agaryp, menek deriden aşak geçen
bolsa, bu ýanykdan dörän ýokançly deri
keselidir. Ruhany ol adamy haram diýip
yglan etsin. 26 Emma ruhany ony gözden
geçirende, menekdäki gyllar agarman,
menek deriden aşak geçmän, gaýtam
onuň reňki öçüşen bolsa, ruhany ol ada-
my ýedi günläp aýry saklasyn. 27 Ýedinji
gün ruhany ony gözden geçirsin. Eger
menek endama ýaýraýan bolsa, ruha-
ny ol adamy haram diýip yglan etsin.
Bu deri keselidir. 28 Emma bu menek
bir ýerde bolup, ol endama ýaýraman,
gaýtam, onuň reňki öçüşen bolsa, bu
ýokançly deri keseli däldir. Ruhany ol
adamy tämiz diýip yglan etsin, çünki bu
ýanyk ýarasyndan galan yzdyr.

29-30 Erkek adamyň ýa-da aýalyň kelle-
sinde ýa-da eňeginde deri keseli peýda
bolsa, ruhany ony gözden geçirsin. Eger
deri keseli deriden aşak geçip, ondaky
gyllar inçejik, sary bolsa, ruhany ony
haram diýip yglan etsin. Ol gijilewükdir;
ol kellede we eňekde dörän ýokançly deri
keselidir. 31 Ruhany gijilewük kesellini
gözden geçirsin. Eger gijilewük deriden
aşak geçmedik bolsa we onda gara gyllar
ýok bolsa, onda ruhany gijilewükli ada-
my ýedi gün aýry saklasyn. 32-33 Ýedinji
gün ruhany gijilewükli adamy gözden
geçirsin. Eger gijilewük onuň endamyna
ýaýramadyk bolsa we onda sary gyllar
bolman, gijilewük deriden aşak geçme-
dik bolsa, ol keselli adam saçyny syrsyn,
emma gijilewügiň üstüni syrmasyn. Ru-
hany ýaňky gijilewükli adamy ýene-de
ýedi gün aýry saklasyn. 34 Ýedinji gün
ruhany gijilewük kesellini gözden geçir-
sin. Eger gijilewük endama ýaýramadyk
bolsa we deriden aşak geçmedik bolsa,
ruhany ony tämiz diýip yglan etsin. Ol

eşiklerini ýuwsun, şondan soň ol tämiz
bolar. 35-36 Eger gijilewük keselli tämiz
diýlip yglan edilenden soň, gijilewük
onuň endamyna ýaýrasa, ruhany ony
gözden geçirsin. Eger gijilewük endama
ýaýran bolsa, onda ruhany sary gyllary
tapjak bolup oturmasyn, ol haramdyr.
37 Emma ruhanynyň pikiriçe gijilewük
öňki durşuna galyp, oňa gara gyllar çy-
kan bolsa, onda gijilewük gowulaşandyr.
Ol adam tämizdir we ruhany ony tämiz
diýip yglan etsin.

38-39 Erkek adamyň ýa-da aýalyň deri-
sinde ak menekler peýda bolsa, ruhany
ony gözden geçirsin. Eger deridäki me-
nekler agymtyl bolsa, bu deride ören
örgündir, ol tämizdir. 40 Eger bir adamyň
saçy düşen bolsa, ol takyr kelledir, emma
tämizdir. 41 Eger onuň maňlaý saçy we
depe saçy düşen bolsa, ol takyr kelledir,
emma tämizdir. 42 Emma takyr kellede
ýa-da maňlaýda gyzylymtyl ak menek
peýda bolsa, bu onuň takyr kellesinde
ýa-da maňlaýynda dörän deri keselidir.
43-44 Ruhany ony gözden geçirsin. Eger
onuň takyr kellesindäki ýa-da maň-
laýyndaky ýokuşýan deri keseli ýaly
gyzylymtyl ak menek bolsa, ol adam
deri kesellidir we ol haramdyr. Ruhany
deri kesellidigi üçin, ol adamy haram
diýip yglan etsin. 45 Ýokançly deri ke-
seli bolan adam sal-sal eginbaş geýip,
saçyny daramasyn we eli bilen agzyny
tutup: „Men – haram, men – haram“
diýip gygyrsyn. 46 Ýokançly deri keseli
aýrylyp gidýänçä, ol haramdyr. Ol ýeke
ýaşamalydyr we düşelgäniň daşynda
bolmalydyr».

### *Zeň hakda*

47-49 «Egin-eşige degişli kadalar şeýle-
dir. Ýüňden ýa-da nepis zygyr matadan
tikilen eşikde, zygyr süýüminiň ýa-da
ýüňüň erşinde ýa-da argajynda bolsun,
deride ýa-da deriden edilen islendik
zatda bolsun – parhy ýok, onuň ýaşyl-
rak ýa-da gyzylrak öwüsýän ýeri bar
bolsa, ol zeňdir we ol ruhana görkezil-
melidir. 50 Ruhany zeňli zady gözden
geçireninden soň, ony ýedi günläp aýry
saklasyn. 51 Ýedinji günde ruhany zeňli
zady ýene-de gözden geçirsin. Eger zeň
eşikde, erişde ýa-da argaçda, deride
ýa-da islendik bir deriden edilen zatda
bolsa, ýaýraýan ýokançly zeňdir we ol
haraplanandyr. 52 Erişden tikilen bolsun
ýa-da argaçdan, ýüňden ýa-da nepis zy-
gyr matadan, ýa-da deriden – parhy ýok,
ruhany ol zeň ýaýran eşigi oda ýaksyn.

53-54 Ruhany ony gözden geçireninde,
zeň eşige, erşe ýa-da argaja, ýa-da de-
riden edilen islendik zada ýaýramadyk
bolsa, ruhany şol zeňli zadyň ýuwulma-
gyny buýursyn. Soňra ony ýene-de ýedi
günläp aýry saklasyn. 55 Zeň ýokuşan
zat ýuwlandan soň, ruhany ony gözden
geçirsin. Eger zeňiň reňki üýtgemedik
bolsa, hatda zeň ýaýramadyk bolsa-da, ol
haraplanandyr. Zeň eşigiň içindemi ýa-
da daşynda – parhy ýok, ony oda ýakyň.

56 Eger ruhany ony gözden geçirýärkä,
bu zatlar ýuwlandan soň zeňiň reňki-
niň öçüşendigini görse, ol zeňi eşikden,
erişden ýa-da argaçdan, ýa-da deriden
ýyrtyp aýyrsyn. 57 Eger bu zeň eşikde,
erişde ýa-da argaçda, ýa-da deriden
edilen bir zatda peýda bolup, ol ýaýrap
başlasa, zeňli zady oda ýakyň. 58 Emma
eşik, eriş, argaç ýa-da deriden edilen
islendik zat ýuwlandan soň zeň aýrylan
bolsa, onda ol ikilenç ýuwulsyn, şondan
soň ol tämiz bolar.

59 Tämiz ýa-da haraplanan diýip yg-
lan etmek üçin, ýüň ýa-da nepis zygyr
matadan tikilen eşikde, erişde, argaçda
ýa-da deriden edilen islendik zatda peýda

bolan zeň baradaky kadalar şulardan
ybaratdyr».

### 14-nji bap

*Tämizleniş hakynda*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ýokançly
deri keselli adamyň tämizlenýän döw-
ründäki kadasy şeýledir: ýokançly deri
kesellini ruhanynyň ýanyna getirsinler.
3-4 Ruhany düşelgäniň daşyna çykyp,
deri kesellini gözden geçirsin. Eger de-
ri keselli adam keselden gutulan bolsa,
ruhany tämizlenmeli adam üçin iki sany
diri halal guşy, kedr agajynyň bölegini,
goýy gyzyl reňkli sapagy we käkilik
oty getirmeklerini buýursyn. 5 Ruhany
guşlaryň biriniň içi çeşme suwly toýun
gabynyň üstünde soýulmagyny buýur-
syn. 6 Onuň özi bolsa diri guşy, kedr
agajynyň bölegini, goýy gyzyl reňkli
sapagy we käkilik otuny alyp, olary
çeşme suwunyň üstünde öldürilen gu-
şuň ganyna batyrsyn. 7 Onsoň ruhany
deri keselinden tämizlenmeli adamyň
üstüne gandan ýedi gezek sepeläp, ony
tämiz diýip yglan etsin. Soňra ol guşy
açyk meýdana uçuryp goýbersin. 8 Tä-
mizlenmeli adam geýimlerini ýuwup,
endamyndaky ähli tüýlerini syryp ýu-
wunsyn. Şonda ol tämiz bolar. Soňra ol
düşelgä girsin, ýöne ýedi gün geçýänçä,
öz çadyryna girmesin. 9 Ýedinji gün
ol saçyny, sakgalyny, gaşyny, enda-
myndaky ähli tüýlerini syrsyn. Soňra
ol geýimlerini ýuwup, suwa düşünsin.
Şonda ol tämiz bolar.

10 Sekizlenji gün ol adam iki sany bir
ýaşar şikessiz goçy, bir sany şikessiz bir
ýaşar guzyny, zeýtun ýagyna garylan
ondan üç batmana barabar saýlama bug-
daý ununy we bir şakäse zeýtun ýagyny
galla sadakasy hökmünde ruhana getirip
bersin. 11 Tämizleýän ruhany tämiz-
lenýän adamy şu zatlar bilen bilelikde
Rebbiň huzuryna, Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň agzyna getirsin. 12 Ruhany gu-
zularyň birini alyp, ýazyk gurbanlygy
hökmünde bir şakäse zeýtun ýagy bilen
bile, olary Rebbe göterme sadakasy hök-
münde ýokary galdyrsyn. 13 Ol guzyny
mukaddes ýerde – günä hem-de ýakma
gurbanlyk malynyň soýulýan ýerinde
soýsun. Çünki ýazyk gurbanlygy-da,
edil günä gurbanlygy ýaly, ruhanynyňky
bolsun. Bu örän mukaddes gurbanlyk-
dyr. 14 Ruhany ýazyk gurbanlygynyň
ganyndan biraz alyp, ony tämizlenýän
adamyň sag gulagynyň ýumşak ýerine,
sag eliniň başam barmagyna we sag
aýagynyň başam barmagyna çalsyn.
15 Ruhany şol bir şakäse zeýtun ýagyndan
alyp, ony öz çep eliniň aýasyna guýsun.
16 Onsoň çep elindäki ýaga sag eliniň
barmagyny batyryp, ony ýedi gezek
Rebbiň huzurynda sepelesin. 17 Elin-
de galan ýagdan ruhany tämizlenýän
adamyň sag gulagynyň ýumşak ýerine,
sag eliniň başam barmagyna we sag
aýagynyň başam barmagyna, ýazyk
gurbanlygynyň malynyň gany sürtülen
ýere çalsyn. 18 Elindäki ýagyň galanyny
ruhany tämizlenýän adamyň kellesine
çalsyn. Şeýdip, ruhany ol adamy Rebbiň
huzurynda haramlygyndan tämizle-
sin. 19 Haram adamy haramlygyndan
tämizlemek üçin, ruhany günä gur-
banlygyny hödür etsin. Soňra ol ýakma
gurbanlygynyň malynyň damagyny
çalsyn. 20 Ruhany gurbanlyk sypasynyň
üstünde ýakma gurbanlygyny we galla
sadakasyny bersin. Şeýdip, ruhany ony
haramlygyndan tämizlesin. Şondan soň
ol adam tämiz bolar.

21 Eger ol adam garyp bolup, bu zat-
lara gurby çatmasa, ol haramlygyndan

tämizlenmek üçin, Rebbe göterme sa-
daka hökmünde bir ýaşar goçy, galla
sadakasy üçin zeýtun ýagyna garylan
bir batmanyň ondan bir bölegine bara-
bar bolan saýlama bugdaý ununy we
bir şaküse zeýtun ýagyny ol ruhana
getirip bersin. 22 Şeýle hem ol iki gum-
rynyň ýa-da iki kepderiniň birini günä
gurbanlygy, beýlekisini ýakma gurban-
lygy üçin hödür etsin. 23 Sekizlenji gün
gurbanlyk berýän adam bu gurbanlyk-
lary özüniň tämizlenmegi üçin Rebbe
ýüz tutulýan çadyryň agzyna, Rebbiň
huzuryna getirip, olary ruhana bersin.
24 Ruhany ýazyk gurbanlygynyň goçu-
ny we bir şakäse zeýtun ýagyny alyp,
olary Rebbe göterme sadakasy hökmün-
de ýokary galdyrsyn. 25 Ruhany ýazyk
gurbanlygynyň goçuny soýup, onuň
ganyndan birazragyny alyp, ony tämiz-
lenýän adamyň sag gulagynyň ýumşak
ýerine, sag eliniň we sag aýagynyň ba-
şam barmaklaryna çalsyn. 26 Ruhany
zeýtun ýagyndan birazragyny, özüniň
çep eliniň aýasyna guýsun. 27 Onsoň ru-
hany sag eliniň barmagyny çep elindäki
ýaga batyryp, ony ýedi gezek Rebbiň
huzurynda sepelesin. 28 Ruhany elindäki
ýagdan tämizlenýän adamyň sag gula-
gynyň ýumşak ýerine, sag eliniň we sag
aýagynyň başam barmaklaryna, ýazyk
gurbanlygynyň goçunyň gany sürtülen
ýere çalsyn. 29 Elindäki ýagyň galanyny
ruhany Rebbiň huzurynda tämizlen-
ýän adamy haramlygyndan tämizlemek
üçin, onuň kellesine çalsyn. 30-31 Soňra
ruhany ol adamyň gurbunyň çatyp geti-
ren gumrularynyň ýa-da kepderileriniň
birini günä gurbanlygy, beýlekisini bol-
sa ýakma gurbanlygy hökmünde galla
sadakasy bilen birlikde hödür etsin. Şeý-
dip, ruhany tämizlenýän adamy Rebbiň
huzurynda haramlygyndan tämizlesin.
32 Deri keselli bolup, tämizlenmegi üçin
sadaka bermäge gurby çatmaýan kişiler
üçin kada şulardan ybaratdyr».

### *Jaýlardaky zeň hakda*

33 Reb Musa bilen Haruna şeýle diýdi:
34-35 «Siz Meniň mülk edip berýän Ken-
gan ýurduma baranyňyzdan soň, Men
siziň öýleriňiziň birinde zeň döretsem,
şol öýüň eýesi ruhanynyň ýanyna ge-
lip: „Öýümde zeň peýda boldy“ diýsin.
36 Ruhany öýi gözden geçirmäge git-
mezden öň, öýüň içindäki bar zatlaryň
daşa çykarylmagyny buýursyn, ýogsam
öýüň içindäki ähli zat haraplanar. Soň-
ra ruhany öýi gözden geçirmäge gitsin.
37-38 Ol zeň ýeri gözden geçirsin. Eger
zeň öýüň diwarynda bolup, ýaşylymtyl
ýa-da gyzylymtyl menekler görnüşinde
diwarda çuň ornan bolsa, ruhany öýden
daşa çykyp, öýi ýedi günläp gulplap
goýsun. 39-40 Ýedinji gün ruhany gelip,
öýi ýene gözden geçirsin. Eger zeň öýüň
diwarlaryna ýaýrap giden bolsa, ruhany
zeň ýaýran daşlary aýyrdyp, olary gala-
nyň daşyndaky harap zatlaryň zyňylýan
ýerine taşlatsyn. 41 Ruhany öýüň içiniň
suwagyny gyrdyryp alyp, ony galanyň
daşyndaky harap zatlaryň zyňylýan ýe-
rine taşlatsyn. 42 Aýrylan daşlaryň ýerine
başga daşlar örülip, öý täzeden suwal-
syn. 43-44 Daşlary sökülip alnyp, suwagy
gyrlyp aýrylyp, täzeden suwalandan
soňam ol öýde zeň peýda bolsa, ruhany
baryp, ol öýi ýene-de gözden geçirsin.
Eger zeň öýe ýaýran bolsa, ol öý harap
saýylsyn. 45 Ol öý ýykylmalydyr, onuň
daşlary, agaçlary we öýüň ähli suwag-
lary, galanyň daşyna, harap zatlaryň
zyňylýan ýerine çykarylyp taşlansyn.
46 Kimde-kim „öý ýapyk“ diýlip yglan
edilen döwürde oňa girse, ol agşama
çenli haram saýylsyn. 47 Kimde-kim ol

öýde ýatsa ýa-da naharlansa, ol geýim-
lerini ýuwsun.
48 Öý suwalandan soňra ruhany ge-
lip, öýi gözden geçirsin. Eger öýe zeň
ýaýramadyk bolsa, ruhany öýi tämiz
diýip yglan etsin, çünki bu zeňiň doly
aýryldygydyr. 49 Öýi halallamak üçin
ruhany iki sany guşy, kedr agajynyň
bölegini, goýy gyzyl reňkli sapagy we
käkilik otuny alsyn. 50 Guşlaryň birini
içi çeşme suwly toýun gabyň üstünde öl-
dürsin. 51 Onsoň kedr agajynyň bölegini,
käkiligi, goýy gyzyl reňkli ýüpi diri guş
bilen bilelikde alyp, olary çeşme suwly
toýun gabynyň üstünde öldürilen guşuň
ganyna batyrsyn-da, gany ýedi gezek
öýüň içine sepelesin. 52 Şeýdip, ruhany
öýi guşuň gany, çeşme suwy, diri guşy,
kedr agajynyň bölegini, käkilik otuny
we goýy gyzyl reňkli sapak bilen ha-
lallasyn. 53 Ruhany diri guşy galanyň
daşyna çykaryp, ony açyk meýdana
uçuryp goýbersin. Şeýdip, ol öýi halal-
lasyn, şondan soň öý tämiz bolar.
54-56 Her hili deri keselleri: gijilewük,
geýimde we öýde peýda bolan zeň, deri
pakgarmasy, gotur, menek ýaly her dürli
deri keselleriň harapdygyny ýa-da tä-
mizdigini kesgitleýän kadalar şulardan
ybaratdyr».

## 15-nji bap

### *Adamy murdar edýän zatlar*

1 Reb Musa bilen Haruna şeýle diýdi:
2 «Ysraýyl halkyna şeýle diý: „Bir erke-
giň jyns agzalaryndan suwuklyk akýan
bolsa, onda ol adam haramdyr. 3 Su-
wuklyk akmasy bar adamyň haramlygy
şundan ybaratdyr: onuň erkeklik agza-
syndan suwuklygyň akmagy dowam
edýänem bolsa, etmeýänem bolsa, ol
haramdyr. 4 Onuň ýatýan ýorgan-düşegi,
üstünde oturýan islendik zady harapdyr.
5 Onuň ýorgan-düşegine galtaşan her kes
geýimlerini ýuwsun, suwa düşünsin.
Ol agşama çenli haramdyr. 6 Suwuklyk
akmasy bolan adamyň oturan ýerin-
de oturan her kes geýimlerini ýuwsun,
suwa düşünsin. Ol agşama çenli haram-
dyr. 7 Suwuklyk akmasy bar adamyň
bedenine galtaşan her kes geýimlerini
ýuwsun, suwa düşünsin. Ol agşama
çenli haramdyr. 8 Eger suwuklyk akma-
sy bar adam tämiz adamlaryň üstüne
tüýkürse, olar geýimlerini ýuwsunlar,
suwa düşünsinler. Olar agşama çenli
haramdyrlar. 9 Suwuklyk akmasy bar
adamyň münen islendik eýeri-de harap-
dyr. 10 Suwuklyk akmasy bar adamyň
oturan islendik zadyna galtaşan adam
agşama çenli haramdyr. Haram adamyň
oturan islendik zadyny göteren geýim-
lerini ýuwsun, suwa düşsün. Ol agşama
çenli haramdyr. 11 Suwuklyk akmasy
bar adam elini ýuwman birine galtaş-
sa, ol adam geýimlerini ýuwsun, suwa
düşünsin. Ol agşama çenli haramdyr.
12 Suwuklyk akmasy bar adamyň ellän
islendik toýun gaby döwülsin, agaçdan
edilen gap bolsa, ol ýuwulsyn.
13 Suwuklyk akmasy bar adam keselden
gutulansoň, tämizlenmek üçin ýedi güni
sanap geçirsin. Ol geýimlerini ýuwup,
akar suwa düşsün. Şondan soň ol tämiz
bolar. 14 Sekizlenji gün ol iki sany gumry-
ny ýa-da iki kepderini Rebbiň huzuryna,
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzyna
getirip, olary ruhana bersin. 15 Ruhany
guşlaryň birini günä gurbanlygy, beý-
lekisini bolsa, ýakma gurbanlygy üçin
hödür etsin. Şeýdip, Rebbiň huzurynda
ruhany ol adamy suwuklyk akmasy ze-
rarly bolan haramlykdan tämizlesin.
16 Eger haýsydyr bir erkegiň tohumy
aksa, ol adam tutuş bedenini ýuwsun.

Ol agşama çenli haramdyr. 17 Matadan
ýa-da deriden edilen zada tohum degen
bolsa, ol suw bilen ýuwulsyn. Ol zat
agşama çenli harapdyr. 18 Erkek aýalyna
ýanaşyp, ondan tohum aksa, erkegem,
aýalam suwa düşünsinler. Olar agşama
çenli haramdyrlar.

19 Aýbaşy görýän aýal ýedi güne çenli
haramdyr. Kim oňa galtaşsa, ol agşama
çenli haramdyr. 20 Aýbaşy görýän döw-
ründe aýalyň düşenip ýatan her zady
harap bolar. Aýalyň oturan her zady
hem harapdyr. 21 Onuň düşegine galta-
şan adam geýimlerini ýuwsun, suwa
düşünsin. Ol agşama çenli haramdyr.
22 Ol aýalyň oturan zadyna galtaşan adam
geýimlerini ýuwsun, suwa düşünsin.
Ol agşama çenli haramdyr. 23 Ol aýalyň
ýorgan-düşegimi ýa-da üstünde oturan
zady – parhy ýok, oňa galtaşan adam
agşama çenli haramdyr. 24 Eger erkek
adam ol aýala ýanaşsa, aýalyň haramlygy
erkege-de geçer we ol ýedi güne çenli
haramdyr we onuň ýatan ýorgan-düşe-
gi-de harapdyr.

25 Eger aýalyň gan akmasy aýbaşy gör-
ýän döwründen daşary birnäçe günläp
dowam etse, gan akmasy kesilýänçä,
ol aýal edil aýbaşy görýän döwründä-
ki ýaly haramdyr. 26 Onuň gan akmasy
döwründe ýatýan ýorgan-düşegi, edil
aýbaşy görýän döwründäki ýorgan-dü-
şegi ýaly haram hasaplansyn. Aýalyň
oturan islendik zady onuň aýbaşy görýän
döwründäki ýaly haramdyr. 27 Bu zatlara
galtaşan her kes-de haram bolar. Ol eşik-
lerini ýuwup, suwa düşünsin. Ol agşama
çenli haramdyr. 28 Aýalyň gan akmasy
kesilenden soň, aradan ýedi gün geçsin.
Diňe şondan soň, ol tämiz bolar. 29 Seki-
zinji gün ol iki sany gumryny ýa-da iki
kepderini alyp, Rebbiň huzuryna, Rebbe
ýüz tutulýan çadyryň agzyna getirip,
olary ruhana bersin. 30 Ruhany olaryň
birini günä gurbanlygy, beýlekisini-de,
ýakma gurbanlygy hökmünde hödürläp,
gan akmasy zerarly haram aýaly Rebbiň
huzurynda haramlygyndan tämizlesin.

31 Şeýdip, haramlyklary zerarly, mu-
kaddes çadyrdan daşda bolmaklaryny
ysraýyl halkyna duýduryň. Maňa ýüz
tutulýan öýi haraplap, olaryň özleri hem
murdarlykda ölmesinler. 32-33 Erkeklik
jynsyndan suwuklyk ýa-da tohum akyp
haram bolan kişi aýbaşy görýän aýal,
suwuklyk akmasy bolan erkek ýa-da
aýal we haram aýala ýanaşan erkek ha-
kyndaky kadalar şulardan ybaratdyr“».

## 16-njy bap

### *Günäden saplanma güni*

1-2 Harunyň mukaddes däl ot bilen
Rebbiň huzuryna ýakynlaşandyklary
sebäpli ölen iki oglunyň ölüminden
soň, Reb Musa şeýle diýdi: «Doganyň
Haruna aýt, ol tutynyň aňyrsyna – iň
mukaddes otaga islän wagty girmesin,
ýogsam ol öler. Çünki Men Äht sandy-
gynyň gapagynyň üstünde bulut bolup
görünýändirin. 3 Harun ilki bilen günä
gurbanlygy üçin bir öküzçäni we ýak-
ma gurbanlygy üçin bir goçy gurbanlyk
bermezden öň iň mukaddes otaga gir-
meli däldir. 4 Harun iň mukaddes otaga
girmezinden öň suwa düşünip, nepis
zygyr matadan tikilen mukaddes dony
geýsin. Donuň aşagyndan zygyr ma-
tadan tikilen içki geýimleri geýsin we
biline zygyr matadan edilen guşagy
guşanyp, kellesine zygyr matadan sel-
le oransyn. 5 Ysraýyl halky bolsa günä
gurbanlygy üçin iki erkeji we ýakma
gurbanlygy üçin bir goçy ruhana getirip
bersin. 6 Harun özi üçin günä gurbanlygy
hökmünde bir öküzçäni hödürläp, özüni

we maşgalasyny günälerinden saplasyn.
7 Soň ol iki erkeji alyp, Rebbiň huzuryna,
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzyna
getirsin. 8 Onsoň Harun iki erkeç üçin
bije atsyn: bir erkeç Rebbe gurbanlyk
hökmünde hödürlensin, beýlekisi bolsa
günä alyp gidýän erkeç bolar. 9 Harun
Rebbe hödür edilmeli erkeji getirip, gü-
nä gurbanlygy hökmünde hödürlesin.
10 Günä alyp gidýän erkeç bolsa halky
günäsinden saplamak üçin, diriligine
Rebbiň huzuryna getirilip, soňra çö-
le kowulsyn. 11 Harun özi üçin günä
gurbanlygy hökmünde bir öküzçäni
hödürläp, özüni we maşgalasyny gü-
nälerinden saplasyn. Ol özi üçin günä
gurbanlygy hökmünde bu öküzçäniň
damagyny çalsyn. 12 Harun Rebbiň hu-
zuryndaky gurbanlyk sypasynda ýanýan
oduň közlerinden doldurylan kül atary
we owradylan ýakymly ysly tütetgiden
iki gysym alyp, iň mukaddes otaga girsin.
13 Ýakymly ysly tütetginiň tüssesi Äht
sandygynyň gapagynyň üstüni bürär ýa-
ly, Harun ýakymly ysly tütetgini Rebbiň
huzurynda oda atsyn, ýogsam ol öler.
14 Soňra ol öküzçäniň ganyndan alyp, ony
barmagy bilen Äht sandygynyň gapagy-
nyň üstüne we Äht sandygynyň öňüne
ýedi gezek sepelesin. 15 Soňra Harun
halk üçin günä gurbanlygyna niýetlenen
erkejiň damagyny çalyp, onuň ganyny
iň mukaddes otaga getirsin. Onuň ga-
nyny-da, öküzçäniň ganyny edişi ýaly,
Äht sandygynyň gapagynyň üstüne we
öňüne sepelesin. 16 Ysraýyl halkynyň
haramlyklary we olaryň bar etmişleri,
günäleri zerarly Harun iň mukaddes
otagy halallasyn. Ol Rebbe ýüz tutul-
ýan öýi-de halallasyn, çünki Rebbe ýüz
tutulýan bu öý murdarlykdan doly düşel-
gäniň ortarasyndadyr. 17 Harun günäden
saplamak üçin, iň mukaddes otaga girip,
özüni, maşgalasyny we bütin ysraýyl
halkyny günälerinden saplap, daşaryk
çykýança, Rebbe ýüz tutulýan otagda hiç
kim bolmasyn. 18 Soňra ol çykyp, Rebbiň
huzuryndaky gurbanlyk sypasyny halal-
lasyn. Öküzçäniň we erkejiň ganyndan
alyp, gurbanlyk sypasynyň şahlaryna
çalsyn. 19 Ol barmaklary bilen ýedi sapar
gurbanlyk sypasynyň üstüne gan sepeläp,
ony ysraýyl halkynyň haramlyklaryndan
tämizläp, mukaddes etsin.

20 Harun iň mukaddes otagy, Rebbe
ýüz tutulýan öýi we gurbanlyk sypasy-
ny halallandan soň, diri erkeji Rebbiň
huzuryna getirsin. 21 Onsoň Harun elle-
rini diri erkejiň başyna goýup, ysraýyl
halkynyň bar pisliklerini, etmişlerini we
günälerini boýun alsyn. Ruhany şeýle
etmek bilen halkyň günäsini erkeje ge-
çirip, ony ýörite çöle boşadyp ibermek
üçin bellenen adam bilen çöle ibersin.
22 Erkeç olaryň ähli ýazyklaryny göterip,
adam aýagy sekmedik bir ýere äkider.
Ýaňky bellenen adam erkeji boşadyp
çöle ibersin.

23 Şondan soň Harun Rebbe ýüz tutul-
ýan öýe girsin-de, iň mukaddes otaga
gireninde geýen nepis zygyr matadan
tikilen lybaslaryny çykaryp, olary iň
mukaddes otagda goýsun. 24 Harun mu-
kaddes ýerde suwa düşünip, özüniň
gündelik geýýän geýimlerini geýsin.
Soňra çykyp, özi üçin we halk üçin
ýakma gurbanlyklaryny hödürläp, özüni
hem-de halky günälerinden saplasyn.
25 Ol günä gurbanlygynyň ýagyny gur-
banlyk sypasynda ýaksyn. 26 Günä alyp
gidýän erkeji çöle goýberen adam geýim-
lerini ýuwup, suwa düşüneninden soň, ol
düşelgä girip biler. 27 Günä gurbanlygy
hökmünde hödürlenen we günäden sap-
lamak üçin ganlary iň mukaddes otaga
getirilen öküzçe bilen erkejiň läşleri

düşelgäniň daşyna çykarylsyn. Olaryň
derisi, eti we garyn-gajagy ýakylsyn.
28 Olary ýakan adam geýimlerini ýu-
wup, suwa düşüneninden soň, ol düşelgä
girip biler.
29 Bu siziň üçin ebedilik düzgün bol-
sun: ýedinji aýyň [a] onunjy güni siz
gije-gündiz agyz bekläp, işlemäň. Şol
gün ýerli halk-da, araňyzda ýaşaýan gel-
mişekler-de işlemesin. 30 Çünki şol gün
siz günäleriňizden tämizlenersiňiz. Reb
sizi ähli günäleriňizden tämizlär. 31 Ol
gün Sabat güni bolup, siziň üçin doly
dynçlyk günüdir. Şol gün siz gije-gün-
diz agyz bekläň. Bu siziň üçin ebedilik
düzgün bolsun. 32 Atasynyň ýerine ru-
hanylyga bellenip, bagyş edilen ruhany
nepis zygyr matadan tikilen mukaddes
lybaslaryny geýip, sizi günäleriňizden
saplasyn. 33 Ol iň mukaddes otagy, Rebbe
ýüz tutulýan öýi, gurbanlyk sypasyny
halallap, ruhanylary we bütin ysraýyl
halkyny günälerinden saplasyn. 34 Ys-
raýyl halkyny ähli günälerinden ýylda
bir gezek saplamak siziň üçin ebedilik
düzgün bolsun». Musa Rebbiň tabşy-
ryşy ýaly etdi.

### 17-nji bap

#### *Ganyň mukaddesligi*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Haruna,
onuň ogullaryna we bütin ysraýyl halky-
na aýt, Meniň olara tabşyrygym şeýledir:
3-4 „Eger ysraýyllardan biri öküzçäni,
guzyny ýa-da geçini Rebbe gurbanlyk
hökmünde hödürlemek üçin, ýüz tutu-
lýan çadyrynyň agzyna getirmän, onuň
özi gurbanlyk malynyň damagyny dü-
şelgäniň içinde ýa-da daşynda çalsa, ol
kanuny bozandyr. Çünki ol gurbanlyk
malynyň ganyny haram ýere dökdi we
şonuň üçin-de ol halkdan çetleşdiril-
sin. 5 Bu tabşyryk ysraýyl halkynyň
açyk meýdanda gurbanlyklar berme-
gini togtadar. Bu ysraýyl halkynyň öz
gurbanlyklaryny Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň agzyndaky ruhana getirip
bermegi üçindir. Ruhany ol gurban-
lyklary Rebbe salamatlyk gurbanlyklary
hökmünde hödür eder. 6 Ruhany gany
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzyndaky
Rebbiň gurbanlyk sypasyna serpsin we
ýagy Rebbe ýakymly ys çykarmak üçin
ýaksyn. 7 Ysraýyl halky mundan beýläk
Rebbe ikilik edip, gurbanlyklaryny but
erkeçlerine hödür etmesinler. Bu olara
nesilden-nesle ebedilik düzgün bolsun“.
8-9 Mundan başga-da olara şuny tabşyr:
„Ysraýyl halkyndan ýa-da olaryň arasyn-
da ýaşaýan gelmişeklerden biri ýakma
gurbanlyk ýa-da islendik başga gurban-
lyk berip, ony Rebbe hödür etmek üçin,
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň agzyna
getirmese, ol adam öz halkyndan çetleş-
dirilsin. 10 Eger ysraýyl halkyndan ýa-da
olaryň arasynda ýaşaýan gelmişeklerden
biri gan iýse, Men ondan ýüz öwrerin we
ony öz halkyndan çetleşdirerin. 11 Çünki
her bir jandaryň jany onuň ganyndadyr.
Şoňa görä-de, Men gany size gurbanlyk
sypasynda janlaryňyzy günäleriňizden
saplamagyňyz üçin berdim, çünki sizi
günäleriňizden saplaýan gandyr. 12 Şonuň
üçin Men ysraýyl halkyna şeýle diýdim:
'Siziň hiç biriňiz ýa-da araňyzda ýaşaýan
gelmişeklerden hiç biri gan iýmesin'.
13 Ysraýyl halkyndan ýa-da araňyzda
ýaşaýan gelmişeklerden biri iýilýän
haýwany ýa-da guşy awlasa, ol onuň
ganyny akdyryp, üstüni toprak bilen
gömsün. 14 Çünki her bir jandaryň jany

[a] **16:29** Ýewreýleriň senenamasy boýunça ýedinji aý takmynan sentýabr aýyna gabat gelýär.

ganyndadyr. Şonuň üçin Men ysraýyl
halkyna şeýle diýdim: 'Hiç bir jandaryň
ganyny agzyňyza almaň, çünki her bir
jandaryň jany onuň ganyndadyr'. Ony
iýen Meniň halkymdan çetleşdirilsin.
15 Haram ölen ýa-da ýyrtyjylaryň parça-
lan haýwanynyň etini iýen kişi özüniň
ýerli halkdan ýa-da gelmişekdigine ga-
ramazdan, geýimlerini ýuwsun, suwa
düşünsin. Ol agşama çenli haramdyr we
soňra tämiz bolar. 16 Eger ol geýimlerini
ýuwmasa ýa-da suwa düşmese, onda ol
öz jezasyny çekmeli“».

## 18-nji bap

### *Gadagan edilýän jyns gatnaşyklary*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyl
halkyna şeýle diý: „Hudaýyňyz Reb
Mendirin. 3 Siz ýaşan ýeriňiz bolan Mü-
sür ýurdunyň we sizi indi alyp barýan
ýurdum bolan Kenganyň adatlaryna
eýermäň. 4 Siz Meniň hökümlerime,
parzlaryma eýerip, olary berjaý ediň.
Hudaýyňyz Reb Mendirin. 5 Meniň parz-
larymy, hökümlerimi berjaý ediň. Olary
berjaý eden aman galar. Men Rebdirin.
6 Hiç biriňiz öz mährem garyndaşyňyz
bilen jyns gatnaşygyny etmäň. Men Reb-
dirin. 7 Öz ejeň bilen jyns gatnaşygyny
edip, kakaňy namysa goýma. Ol seniň
ejeňdir, sen onuň bilen jyns gatnaşygyny
etmeli dälsiň. 8 Kakaňyň beýleki aýallary
bilen-de jyns gatnaşygyny edip, kakaňy
namysa goýma. 9 Isle bir öýde, isle başga
ýerde doglan bolsun – parhy ýok, öz aýal
doganyň bilen ýa-da kakaňyň ýa-da eje-
ňiň gyzy bilen jyns gatnaşygyny etme.
10 Öz ogluňdan bolan gyz agtygyň ýa-da
öz gyzyňdan bolan gyz agtygyň bilen
jyns gatnaşygyny etme, çünki sen olary
biabraý etmek bilen, özüňi-de biabraý
edýärsiň. 11 Öweý eneňden bolan öweý
aýal doganyň bilen jyns gatnaşygyny
etme, çünki ol seniň kakaňdan önen
aýal doganyňdyr. 12 Öz ejekeň bilen jyns
gatnaşygyny etme, ol seniň kakaňyň
aýal doganydyr. 13 Daýzaň bilen jyns
gatnaşygyny etme, çünki ol seniň ejeňiň
aýal doganydyr. 14 Öz gelnejeňe golaýla-
şyp, onuň bilen jyns gatnaşygyny etme,
ol seniň gelnejeňdir. 15 Öz gelniň bilen
jyns gatnaşygyny etme, ol seniň oglu-
ňyň aýalydyr. 16 Öz doganyň aýaly bilen
jyns gatnaşygyny etme, sen öz doganyňy
namysa goýarsyň. 17 Bir aýalyň hem özi,
hem gyzy bilen jyns gatnaşygyny etme;
bir aýalyň hem özi hem gyz agtygy bi-
len jyns gatnaşygyny etme. Olar seniň
mährem garyndaşlaryňdyr, bu azgyn-
lykdyr. 18 Aýalyň dirikä, onuň uýasyny
oňa güni edip alma we onuň bilen jyns
gatnaşygyny etme. 19 Aýbaşy görýän aýal
bilen jyns gatnaşygyny etme. 20 Ýoldaşyň
aýaly bilen jyns gatnaşygyny edip, özüňi
haram etme. 21 Öz perzentleriňden hiç
birini Molek buty üçin gurbanlyk etme.
Çünki şeýle etmek bilen sen öz Hudaýyň
adyna ysnat getirersiň. Men Rebdirin.
22 Aýal bilen jyns gatnaşygyny edişiň
ýaly, erkek bilen jyns gatnaşygyny etme,
bu nejislikdir. 23 Hiç bir erkek ýa-da aýal
haýwan bilen jyns gatnaşygyny edip,
özüni haram etmesin, bu azgynlykdyr.
24 Şu nejislikleriň hiç biri bilen günä
etmäň, çünki siziň öňüňizden kowýan
milletlerim şu pis işleri zerarly haram
boldular. 25 Şeýdip, ýurt harama çykdy.
Men ýurdy etmişleri üçin jezalandyrdym.
Ýurt öz ilatyndan ýüz dönderdi. 26 Emma
siz Meniň parzlarymy, hökümlerimi
berjaý edip, bu nejis işleri etmäň. Ýerli
halk-da, araňyzda ýaşaýan gelmişekler-
de şeýle pis işleri etmesinler. 27 Çünki
sizden öň bu ýurtda ýaşan ilat bu nejislik-
leriň baryny etdi we ýurt harama çykdy.

[28]Eger sizem ýurdy harama çykarsaňyz,
ozalky milletden ýüz dönderişi ýaly, ýurt
sizden-de ýüz dönderer. [29]Kimde-kim
bu nejisliklerden birini etse, ol öz hal-
kyndan çetleşdirilsin. [30]Sizden öňküleriň
eden nejisliklerini gaýtalamazlygyňyz
üçin, özüňizi şu zatlar zerarly haram
etmezligiňiz üçin, Meniň buýrugymy
berjaý ediň. Hudaýyňyz Reb Mendirin“».

## 19-njy bap

### *Mukaddeslik we adalatlylyk*

[1]Reb Musa şeýle diýdi:
[2]«Bütin ysraýyl halkyna şeýle diý:
„Mukaddes boluň, çünki Men, siziň
Hudaýyňyz Reb, mukaddesdirin. [3]Her
biriňiz öz ene-ataňyzy sylaň, Sabat
günümiň kanunlaryny ýerine ýetiriň.
Hudaýyňyz Reb Mendirin. [4]Guýma but-
lary we başga hili butlary ýasap, olara
sežde etmäň. Hudaýyňyz Reb Mendirin.
[5]Rebbe salamatlyk gurbanlygyny hö-
dür edeniňizde, gurbanlygyňyzyň kabul
bolary ýaly, ony kada laýyklykda beriň.
[6]Gurbanlyk malynyň eti hödür edilen
güni ýa-da ertesi iýilsin. Üçünji güne
galan et oda ýakylsyn. [7]Eger et üçünji
gün iýilse, ol haramdyr we siziň gurban-
lygyňyz kabul bolmaz. [8]Ol gurbanlykdan
iýen öz jezasyny çeker, çünki ol Rebbe
bagyş edilen zady harlandyr. Şol sebäpli
bu adam öz halkynyň arasyndan kowlup
çykarylsyn.
[9]Ýeriňiziň hasylyny ýygnanyňyzda,
atyzlaryňyzyň gyra çetindäkilerini or-
maň, hasylyňyzyň hoşasyny çöplemäň.
[10]Üzüm baglaryňyzyň miweleriniň
baryny ýygmaň, ýere gaçan üzümleri
ýygnaman, olary garyp-gasara, gelmi-
şeklere goýuň. Hudaýyňyz Reb Mendirin.
[11]Ogrulyk, hilegärlik etmäň, bir-biri-
ňizi aldamaň. [12]Galp zat babatda Meniň
adymdan ant içip, Hudaýyňyzyň adyna
ysnat getirmäň. Men Rebdirin. [13]Ýol-
daşyňyň hakyny iýme, ony talama.
Günlükçiniň zähmet hakyny bir günem
saklama. [14]Kere sögme, körüň öňünde
büdrär ýaly zat goýma. Hudaýyňdan gork.
Men Rebdirin. [15]Höküm çykaranyňda
adalatsyzlyk etme. Garybyň tarapyny
tutup ýa-da baýdan heder edip, adalat-
syzlyk etme, ildeşiňe hemişe adalatly
höküm çykar. [16]Öz halkyňyň arasynda
ýalan gep gezdirme, adalatsyz höküm ze-
rarly ildeşiňe howp abanýan bolsa, şaýat
onuň arkasynda dursun[a]. Men Rebdirin.
[17]Ýüregiňde ildeşiňi ýigrenme, günäsini
onuň ýüzüne aýt, ýogsam senem günäkär
bolarsyň. [18]Öz halkyňdan öç alma, ola-
ryň hiç biri babatda içiňde kitüw saklama.
Gaýtam, ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý.
Men Rebdirin.
[19]Siz Meniň parzlarymy berjaý ediň.
Mal-garalaryňy başga görnüşdäki mallar
bilen çaknyşdyrma. Ekin meýdanyňda
iki hili tohumy bile ekme we iki hili
matadan tikilen eşik geýme.
[20]Eger bir adam başga birine adag-
lanan, yzyna satyn alynmadyk ýa-da
azat edilmedik gyrnak bilen ýatsa, onda
olaryň ikisine-de jeza berilsin, ýöne öl-
dürilmesin. Çünki bu gyrnak azat edilen
däldir. [21]Ol adam özi üçin Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň agzyna Rebbe ýazyk
gurbanlygy hökmünde bir goç getirsin.
[22]Onsoň ruhany Rebbiň huzurynda bu
ýazyk gurbanlygynyň goçy bilen, ony
eden günäsinden saplasyn we Hudaý
günäliniň eden günäsini geçer.
[23]Siz Kengan ýurduna gelip, iýmit üçin
her hili miweli agaçlary oturdanyňyzda,

[a] **19:16** ***Adalatsyz höküm zerarly… dursun*** – ýa-da *ildeşiň janyna kast etse, biparh garama.*

ilkinji üç ýylyň miwelerinden iýmeklik
gadagan edilsin, olary iýmäň. 24 Dördünji
ýyl bolsa hemme miweler alkyş hökmün-
de Rebbe bagyş edilsin. 25 Bäşinji ýyl
welin, siz miweli agaçlaryň miwesinden
iýip bilersiňiz, olar size bol miwe berer.
Hudaýyňyz Reb Mendirin.

26 Hiç bir eti gany bilen iýmäň. Siz pal
atmaň, jadygöýlik etmäň. 27 Saçyňyzyň
gyralaryny gyrkyp, sakgalyňyzy timar-
lamaň. 28 Merhum üçin bedeniňize tyg
çekmäň, özüňizi tagmalamaň. Men Reb-
dirin. 29 Gyzlaryňyzy loluçylyga satyp,
olary biabraý etmäň. Eger siz şeýle etseňiz,
ýurt zynahorlyga berlip, ol azgynlykdan
dolar. 30 Sabat günümiň kanunlaryny
ýerine ýetirip, mukaddes öýüme hormat
goýuň. Men Rebdirin. 31 Jadygöýlere we
palçylara ýüz tutmaň. Olardan maslahat
sorap, özüňizi haram etmäň. Hudaýyňyz
Reb Mendirin. 32 Uly ýaşulynyň öňünde
dik duruň, garryny sylaň, Hudaýyňyzdan
gorkuň. Men Rebdirin.

33 Ýurduňyzda öz araňyzda ýaşaýan
gelmişeklere sütem etmäň. 34 Araňyzda
ýaşaýan gelmişekler siziň üçin ildeşiňiz
ýaly bolsun. Olary özüňizi söýşüňiz ýaly
söýüň, çünki sizem Müsür ilinde gelmişek
bolupdyňyz. Hudaýyňyz Reb Mendirin.

35 Siz uzynlyk ölçäniňizde, çekimde
ýa-da sanagda hiç kimi aldamaň. 36 Siz
hak terezileri, hak ölçeg daşlaryny, hak
ölçegleri ulanyň. Sizi Müsür ýurdundan
çykaran Hudaýyňyz Reb Mendirin. 37 Siz
Meniň ähli parzlarymy, ähli hökümlerimi
saklap, olary berjaý ediň. Men Rebdirin“».

## 20-nji bap

### *Rebbiň kanunlaryna boýun egmedikler üçin jezalar*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyl hal-
kyna aýt: „Ysraýyl halkyndan ýa-da
olaryň arasynda ýaşaýan gelmişeklerden
kimdir biri öz perzentlerinden birini,
Molek buta bagyş etse, ol adam öldüril-
sin. Ýurduň halky ony daşlap öldürsin.
3 Men hem ol adamdan ýüz öwrerin we
ony öz halkym hökmünde görmerin.
Çünki ol halk Meniň mukaddes öýü-
mi harama çykaryp, Meniň mukaddes
adyma ysnat getirip, öz perzendini Mo-
lege bagyş etdi. 4-5 Eger ýurduň halky
perzendini Molege berýän adamy gör-
mezlige salyp öldürmese, Meniň Özüm
ol adamdan we onuň maşgalasyndan ýüz
öwrerin. Ony Molegiň yzyna eýerip, zy-
nahorlyga ýüz uranlaryň bary bilen bile
Öz halkymdan çetleşdirerin. 6 Eger kim-
de-kim biwepalyk edip, jadygöýleriň we
palçylaryň yzyna eýerse, Men ondan ýüz
öwrerin we ony Öz halkymdan çetleşdi-
rerin. 7 Şonuň üçin siz iniňizi tämizläp,
mukaddes boluň, çünki Hudaýyňyz Reb
Mendirin. 8 Meniň parzlarymy saklap,
olary berjaý ediň. Sizi mukaddes edýän
Reb Mendirin. 9 Kakasyny ýa-da ejesini
näletlän adam öldürilsin. Öz kakasyny
we ejesini näletländigi üçin, onuň gany
öz boýnunadyr.

10 Eger bir adam başga bir adamyň
aýaly bilen jyns gatnaşygyny etse, ol az-
gyn erkek-de, aýal-da öldürilsin. 11 Kim
kakasynyň aýaly bilen jyns gatnaşygyny
etse, ol öz kakasyny namysa goýýan-
dyr. Olaryň ikisi-de öldürilsin. Olaryň
ganlary öz boýunlarynadyr. 12 Bir erkek
öz gelni bilen jyns gatnaşygyny etse,
olaryň ikisi-de öldürilsin, çünki bular
azgynlyk etdiler. Olaryň ganlary öz bo-
ýunlarynadyr. 13 Bir erkek aýal bilen jyns
gatnaşygyny edişi ýaly, erkek bilen jyns
gatnaşygyny etse, olaryň ikisi-de nejis iş
edendikleri üçin öldürilsin. Olaryň gan-
lary öz boýunlarynadyr. 14 Eger bir erkek
bir aýala hem-de onuň ejesine-de öýlense,

bu azgynlykdyr. Arañyzda azgynlyk
bolmaz ýaly, ol adam aýaly we onuň
ejesi bilen bile oda ýakylsyn. 15 Eger bir
erkek bir haýwan bilen jyns gatnaşygyny
etse, ol adam-da, haýwan-da öldürilsin.
16 Eger bir aýal bir haýwan bilen jyns
gatnaşygyny etse, ol aýal-da, haýwan-da
öldürilsin. Olar öldürilsin, olaryň ganla-
ry öz boýunlarynadyr. 17 Eger bir adam
öz gyz doganyna, kakasynyň ýa ejesiniň
gyzyna öýlense, olar köpçüligiň öňünde
masgaralanyp, öz halkynyň arasyndan
çykarylsyn. Ol adam öz gyz dogany
bilen jyns gatnaşygyny edenligi üçin
jezalandyrylmalydyr. 18 Eger bir adam
aýbaşy görýän aýal bilen jyns gatnaşy-
gyny etse, olaryň ikisi-de öz halkyndan
çetleşdirilsin, çünki olar tämizlik bara-
daky kadalary bozdular. 19 Öz daýzaň
ýa-da ejekeň bilen jyns gatnaşygyny
etme, çünki beýle etmek bilen sen özüňi
namysa goýýansyň. Olaryň ikisine-
de jeza berilmelidir. 20 Gelnejesi bilen
jyns gatnaşygyny eden adam agasyny
namysa goýýandyr. Bular öz jezalary-
ny çekip, dünýäden perzentsiz öterler.
21 Kimde-kim öz gelnejesine öýlense, bu
haramlykdyr. Ol öz doganyny namysa
goýýandyr, olar perzentsiz öterler.

22 Mesgen tutmagyňyz üçin alyp
barýan ýurdumyň sizden ýüz dönder-
mezi ýaly, siz Meniň parzlarymy we
hökümlerimi saklap, olary berjaý ediň.
23 Öňüňizden kowup çykarýan milletiň
adatlaryna eýermäň, çünki şeýle işler
edendikleri üçin Men olary ýigrendim.
24 Emma Men size şeýle diýdim: 'Olaryň
ýurduny siz miras alarsyňyz, Men süýt
we bal akýan, mes toprakly ýurdy size
mülk edip bererin'. Sizi beýleki mil-
letlerden saýlap alan Hudaýyňyz Reb
Mendirin. 25 Şonuň üçin hem siz halal
haýwany haram haýwandan, halal guşy
hem haram guşdan saýgaryň. Siziň üçin
haram diýip aýrybaşgalan haýwanlarym,
guşlarym ýa-da guryýer süýrenijileri
bilen özüňizi haram etmäň. 26 Meniň
üçin mukaddes boluň, çünki Men – Reb
mukaddesdirin we Men sizi beýleki
halklardan Özümiňki bolmagyňyz üçin
saýlap aldym. 27 Jadygöý, palçy bolan
erkegu-aýal daşlanyp öldürilsin. Olaryň
gany öz boýunlarynadyr“».

## 21-nji bap

### *Ruhanylar mukaddes bolmalydyr*

1 Reb Musa şeýle diýdi: «Ruhanylar,
ýagny Harun ogullary bilen gepleşip,
olara şeýle diý: „Olaryň hiç biri öz ga-
ryndaşlaryndan bolan merhuma galtaşyp,
özlerini haram etmesin. 2-3 Diňe mährem
garyndaşy, ýagny ejesi, kakasy, ogly,
gyzy, dogany, şonuň ýaly-da, durmuşa
çykmadyk uýasy ölen ýagdaýynda ol
merhuma galtaşyp, özüni haram edip
biler. 4 Emma ruhany aýalynyň garyn-
daşlaryndan bolan merhum üçin özüni
haram edip, öz adyna ysnat getirmesin.
5 Ýas tutýanlygynyň alamaty hökmünde,
ruhanylar saçlaryny we sakgallaryny
gyrkyp timarlamasynlar, bedenlerine
tyg çekmesinler. 6 Ruhanylar özlerini
Hudaýa bagyş etsinler we Hudaýyň ady-
na ysnat getirmesinler. Çünki Rebbe ot
üsti bilen berilýän iýmit sadakasyny hö-
dürleýän şolardyr. Ruhanylar mukaddes
bolmalydyrlar. 7 Olar lola, azgyn aýala,
ärinden aýrylan aýala öýlenmesinler.
Çünki ruhanylar Hudaýa bagyş edilendir.
8 Siz ruhanylary mukaddes saýyň, çünki
Hudaýyňyza iýmit sadakasyny olar hö-
dürleýärler. Halk hem olary mukaddes
saýsyn, sebäbi sizi mukaddes edýän
Men – Reb mukaddesdirin. 9 Eger ruha-
nynyň gyzy loluçylyga baş urup, özüni

biabraý etse, ol atasynyň adyna hem
ysnat getirýär. Beýle gyz oda ýakylsyn.
10 Başyna mesh ýagy guýlup, ruhanylyk
lybaslaryny geýmek üçin bellenen baş
ruhany ýas tutýandygyny görkezmek
üçin, saçyny ýaýyp, lybaslaryny ýyrtma-
syn. 11 Ol hiç bir ölä ýakynlaşyp, hatda öz
kakasy ýa ejesi üçin hem özüni haram
etmesin. 12 Baş ruhany mukaddes öýden
daşa çykyp, öz Hudaýynyň mukaddes
öýüni harlamasyn, çünki ol Hudaýynyň
mesh ýagy guýlup mukaddes edildi.
Men Rebdirin. 13 Ol boý gyza öýlensin.
14-15 Baş ruhany dula, ärinden aýrylana,
azana ýa-da loly aýala öýlenmesin. Ol
halkynyň arasynda öz perzendiniň ady-
na ysnat getirmez ýaly, diňe öz tiresinden
bolan gyza öýlensin. Çünki Men-Reb
ony mukaddes edýändirin“». 16 Reb Musa
şeýle diýdi: 17 «Harun bilen gepleşip, oňa
şeýle diý: „Seniň tohum-tijiňiň geljekki
nesilleriňden-de nogsanly adam Rebbe
bagyş edilen iýmit sadakasyny hödür et-
mesin. 18-20 Şikesli bolan kör ýa-da agsak,
ýüzi erbet şikesli ýa-da dogabitdi maýyp
adam, aýagy ýa-da eli döwük, küýki
ýa-da igli, gözi şikesli ýa-da gijilewük
keselli, demrewli bolan ýa-da erkekligi
bolmadyk adam gurbanlyk sypasyna
ýakynlaşmasyn. 21 Harunyň neslinden
bolan nogsanly ruhany Rebbe ot üsti
bilen berilýän sadakalary hödürleme-
sin; nogsanlydygy zerarly ol Hudaýa
iýmit sadakasyny hödürlejek bolup, gur-
banlyk sypasyna asla ýakynlaşmasyn.
22 Nogsanly ruhany Hudaýa hödür edilen
iýmitden, mukaddes we iň mukaddes
iýmitden iýip biler. 23 Emma ol tutynyň
ýanyna ýa-da gurbanlyk sypasyna go-
laýlaşmasyn. Çünki ol nogsanlydyr. Ol
bu mukaddes zatlara ýakynlaşyp, olary
harlamasyn. Ruhanylary mukaddes ed-
ýän siziň Hudaýyňyz Reb Mendirin“».
24 Ine, Musanyň Haruna, onuň ogulla-
ryna we bütin ysraýyl halkyna aýdan
zatlary şulardan ybaratdyr.

## 22-nji bap

### *Sadakalaryň mukaddesligi*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Haruna we
onuň ogullaryna aýt: „Harun we onuň
ogullary ysraýyl halkynyň Maňa bagyş
eden mukaddes sadakalaryna seresaply
çemeleşsinler. Olar Meniň mukaddes
adyma ysnat getirmesinler. Men Reb-
dirin“. 3 Olara şeýle diý: „Eger siziň
geljekki nesilleriňizden, tohum-tijiňiz-
den biri, ysraýyl halkynyň Maňa bagyş
eden mukaddes sadakalaryna haramlyk-
da ýakynlaşsa, ol Meniň huzurymdan
ýok edilsin. Hudaýyňyz Reb Mendirin.
4-6 Harun neslinden bolan ýokançly deri
keseli ýa-da suwuklyk akmasy bolan
erkek tämizlenýänçä, mukaddes sada-
kalardan iýmeli däldir. Jesede degip,
haram bolan islendik zada galtaşan ýa-da
tohum akan erkege ýa-da ynsany haram
edýän guryýer süýrenijileriniň birine
ýa-da haramlygy nämediginiň parhy bol-
madyk ynsany haram edýän şu agzalan
zatlardan birine galtaşan ruhany agşama
çenli haramdyr. Ol suwa düşünmezden,
mukaddes sadakalardan iýmesin. 7 Gün
ýaşan çagy ruhany tämiz bolar, diňe
şondan soň ol mukaddes sadakalardan
iýip biler, çünki bu sadaka ruhanylar
maşgalasyna degişlidir. 8 Ruhany ha-
ram ölen ýa-da ýyrtyjylaryň parçalan
haýwanynyň etinden iýip, özüni haram
etmesin. Hudaýyňyz Reb Mendirin. 9 Ru-
hanylar Meniň buýruklarymy berjaý
etsinler, ýogsam olar mukaddes çadyry
harlandyklary üçin, öz jezalaryny çekip
ölerler. Olary mukaddes edýän Hudaýy-
ňyz Reb Mendirin.

10 Ruhany maşgalasyndan bolmadyk
adam mukaddes sadakalardan iýmeli
däldir. Ruhanyňkyda wagtlaýyn ýaşa-
ýan gelmişek ýa-da günlükçi mukaddes
sadakalardan iýmesin. 11 Emma ruhany-
nyň satyn alan guly we onuň öýünde
doglanlar onuň saçagyndan iýip biler.
12 Eger ruhanynyň gyzy ruhany maşgala-
syndan bolmadyk birine durmuşa çyksa,
ol hödür edilen mukaddes sadakalardan
iýmeli däldir. 13 Emma ruhanynyň gyzy
aýrylyşyp ýa dul galyp, çagasy bolman,
ýaşlygyndaky ýaly atasy öýüne dolanyp
gelse, ol kakasynyň saçagyndan iýip
biler, ýöne başga bir gelmişek ondan
iýmesin. 14 Eger bir adam tötänlikden
mukaddes sadakadan iýse, onda ol onuň
bahasynyň bäşden birini üstüne go-
şup, mukaddes sadakany ruhana bersin.
15-16 Ruhanylar ysraýyl halkynyň Rebbe
hödür eden mukaddes sadakalaryny
halkyň iýmegine ýol berip, özlerine
degişli mukaddes sadakalary harlama-
synlar. Bu halky ýazykly edip, başlaryna
jeza getirdýändir. Çünki ol sadakala-
ry mukaddes edýän Hudaýyňyz Reb
Mendirin“».

17 Reb Musa şeýle diýdi: 18-19 «Haru-
na, onuň ogullaryna we bütin ysraýyl
halkyna aýt: „Ysraýyllarmy ýa-da Ys-
raýylda ýaşaýan gelmişek – parhy ýok,
kim Rebbe ýakma gurbanlyk hökmünde
hödürlenýän, öz aýdylan ýa-da meýletin
sadakasyny hödür etse, siziň gurbanly-
gyňyzyň kabul bolary ýaly, gara malmy,
goýun-geçi – parhy ýok, ol şikessiz
erkek mal bolsun. 20 Şikesli maly gur-
banlyk bermäň, çünki ol kabul bolmaz.
21 Eger kimde-kim aýdylan ýa-da meý-
letin sadaka hökmünde gara mallardan
ýa-da dowarlardan Rebbe salamatlyk
gurbanlygyny bermekçi bolsa, onuň
kabul bolary ýaly, ol gurat, şikessiz mal
bolsun. 22 Kör, şikes ýeten ýa-da maýyp,
baş keselli, gotur ýa-da demrewli maly
Rebbe hödür etmäň, şeýle mallary Rebbe
ot üsti bilen berilýän sadaka hökmünde
gurbanlyk sypasynyň üstüne goýmaň.
23 Göwresinde artyklygy ýa kemisi bolan
öküzçäni ýa guzyny meýletin sadaka
hökmünde hödürläp bilersiňiz, ýöne ol
aýdylan sadakanyň ýerine kabul bol-
maz. 24 Erkeklik tohumlygy ýenjilen,
syndyrylan, ýolnan ýa-da kesilen maly
Rebbe hödür etmäň, ýurduňyzda beýle
iş edilmesin. 25 Şeýle haýwanlary Rebbe
iýmit sadakasy hökmünde hödür etmek
üçin, gelmişegiň elinden almaň, çünki
olar maýyp-müjrüp, şikesli bolandyklary
üçin, Rebbe iýmit sadakasy hökmünde
kabul bolmaz“».

26 Reb Musa şeýle diýdi: 27 «Göle, guzy
ýa-da owlak doglandan soň, ol ýedi gün-
läp enesiniň ýanynda bolsun. Sekizinji
günden başlap, ol Rebbe ot üsti bilen
berilýän gurbanlyk hökmünde kabul
ediler. 28 Ýöne sygryň we onuň gölesi-
niň, goýnuň we onuň guzusynyň, ýagny
malyň we onuň çagasynyň damagyny
bir günde çalmaň. 29 Eger Rebbe şükür
sadakasyny hödür etseňiz, ony kabul
bolar ýaly edip beriň. 30 Sadaka şol gü-
nüň özünde iýilsin, ondan ertire hiç zat
galdyrylmasyn. Men Rebdirin.

31 Siz Meniň buýruklarymy saklap, ola-
ry berjaý ediň. Men Rebdirin. 32 Meniň
ysraýyl halkynyň arasynda mukaddes ha-
saplanarym ýaly, siz Meniň adyma ysnat
getirmäň. Sizi mukaddes edýän Hudaýy-
ňyz Reb Mendirin. 33 Siziň Hudaýyňyz
bolmak üçin, sizi Müsür ýurdundan çy-
karyp getiren Mendirin. Men Rebdirin».

### 23-nji bap

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyl
halkyna aýt: „Rebbiň dini baýramlary,

ýagny siz tarapyndan mukaddes ýyg-
nanyşyklar hökmünde yglan edilmeli
Meniň baýramlarym, ine, şulardyr.

### *Sabat güni, Pesah baýramy, Petir baýramy*
*(Çölde 28:16-25)*

3 Alty günläp işläň, ýedinji gün Sa-
batdyr, ol doly dynçlyk we mukaddes
ýygnanyşyk günüdir. Şol gün siz hiç hili
iş etmäň. Nirede ýaşaýandygyňyza gara-
mazdan, şol Sabat güni Rebbe degişlidir.
4 Ine, Rebbiň şu baýramlaryny siz kesgit-
lenen wagtlarynda bellemelisiňiz. 5 Birinji
aýyň on dördüne Gün ýaşandan soň, Reb-
be Pesah gurbanlygy hödür edilsin. 6 Şu
aýyň on bäşi Rebbiň Petir baýramydyr.
Siz ýedi günläp petir iýmelisiňiz. 7 Şu
günleriň ilkinji güni siz halky mukad-
des ýygnanyşyga çagyryň. Şol gün siz
işlemäň. 8 Ýedi günläp Rebbe ot üsti bilen
berilýän sadaka paýlaryňyzy hödürläp,
ýedinji güni siz halky mukaddes ýygna-
nyşyga çagyryň. Şol gün siz işlemäň“».

### *Ilkinji miwelerden berilmeli sadaka*

9 Reb Musa şeýle diýdi: 10 «Ysraýyl
halkyna aýt: „Size berjek ýurduma ba-
ryp, onuň hasylyny ýygnan mahalyňyz,
ilkinji hasyl desselerini ruhana getirip
beriň. 11 Ol siziň üçin kabul bolsun diýip,
dessäni Rebbe sadaka hökmünde ýokary
galdyrsyn. Ruhany ony Sabat gününiň
ertesi hödür etsin. 12 Dessäni sadaka
hökmünde ýokary galdyran günüňiz,
siz Rebbe ýakma gurbanlyk hökmünde
şikessiz toklyny hödürläň. 13 Onuň bilen
birlikde zeýtun ýagyna garylan ondan iki
batman möçberindäki saýlama bugdaý
ununy galla sadakasy hökmünde beriň.
Rebbe ot üsti bilen berilýän bu galla
sadakanyň ysy Oňa ýakymlydyr. Hödür
edilen içgi hökmünde bir küýze [a] şerap
beriň. 14 Hudaýyňyza bu sadakany hödür
edýän günüňize çenli çörek, gowrulan
bugdaý ýa-da täze bugdaý dänesini iý-
mäň. Bu siziň nirede ýaşaýandygyňyza
garamazdan, bütin nesilleriňiz üçin ebe-
dilik düzgün bolsun.

### *Galla baýramy*

15 Sabat gününiň ertesi siz Rebbe gö-
terme sadakasy hökmünde hödür eden
dessäňizi getiren günüňizden sanap, doly
ýedi hepdäni geçiriň. 16 Ýedinji Saba-
dyň ertesi, ellinji gün Rebbe täze galla
sadakasyny hödürläň. 17 Siz ýaşaýan ýer-
leriňizden iki çöregi Rebbe göterme
sadakasy hökmünde hödür ediň. Olaryň
her biri ondan iki batmana barabar saý-
lama bugdaý ununa ýugrulyp, ilkinji
miwe hökmünde hamyrmaýaly bişirilen
bolsun. 18 Çörek bilen birlikde şikessiz
toklulardan ýedisini, bir öküzçäni we
iki goçy hödür ediň. Bular Rebbe ýak-
ma gurbanlyk bolsun. Olar Rebbe ot üsti
bilen berilýän galla sadakasy we hödür
edilen içgi bilen birlikde Rebbe hödür
edilsin. Onuň ysy Rebbe ýakymlydyr.
19 Şeýle hem siz günä gurbanlygy üçin bir
erkeji we salamatlyk gurbanlygy üçin iki
sany goçy hödürläň. 20 Ruhany bulary iki
guzy we ilkinji hasyl çöregi bilen birlikde
Rebbe göterme sadakasy hökmünde ýo-
kary galdyrsyn. Bular Rebbe bagyş edilip,
ruhanynyňky bolmalydyr. 21 Şol gün siz
halky mukaddes ýygnanyşyga çagyryň.
Şol gün siz işlemäň. Bu nirede ýaşa-
ýandygyňyza garamazdan, siziň bütin
nesilleriňiz üçin ebedilik düzgün bolsun.
22 Ýeriňiziň hasylyny ýygnanyňyzda,
atyzlaryňyzyň gyra çetlerindäkileri

---

[a] **23:13** ***Bir küýze*** – ýewreýçe *hiniň dörtden biri*. Bu takm. 1 litre deňdir.

ormaň, hasylyňyzyň hoşasyny çöplemäň.
Olary garyp-gasara we gelmişege goýuň.
Hudaýyňyz Reb Mendirin“».

### *Surnaý baýramy*

23 Reb Musa şeýle diýdi: 24 «Ysraýyl
halkyna aýt: „Ýedinji aýyň birinji güni
siziň üçin doly dynçlyk günüdir. Şol gün
surnaýlar çalnyp ýatlanýan mukaddes
ýygnanyşyk günüdir. 25 Şol gün siz iş-
lemäň. Siz Rebbe ot üsti bilen berilýän
gurbanlygy hödürläň“».

### *Günäden saplanma güni*

26 Reb Musa şeýle diýdi: 27 «Ýedinji aýyň
onunjy güni günäden saplanma günüdir.
Şol gün siziň üçin mukaddes ýygnanyşyk
güni bolsun. Siz gije-gündiz agyz bekläp,
Rebbe ot üsti bilen berilýän gurbanlygy
hödürläň. 28 Şol gün siz hiç işlemäň, çünki
bu siziň Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda
günäleriňizden saplanmagyňyz üçin, gü-
näden saplanma günüdir. 29 Kimde-kim
şol gün gije-gündiz agyz beklemese, ol
öz halkynyň arasyndan kowlup çykaryl-
syn. 30 Şol gün haýsydyr bir iş eden adamy,
Men öldürerin. 31 Siz şol gün işlemäň, bu
siziň bütin nesilleriňiz üçin nirede ýa-
şaýandyklaryna garamazdan, ebedilik
düzgün bolsun. 32 Ol gün siziň üçin Sabat,
doly dynçlyk günüdir. Siz agyz bekläň.
Aýyň dokuzy gününiň agşamyndan ertesi
agşama çenli Sabat gününiň kanunlaryny
ýerine ýetiriň».

### *Çatma baýramy*

33 Reb Musa şeýle diýdi: 34 «Ysraýyl hal-
kyna aýt: „Şu ýedinji aýyň on bäşinden
başlap, ýedi günüň dowamynda Rebbiň
hormatyna Çatma baýramy geçirilsin.
35 Onuň birinji güni siz halky mukaddes
ýygnanyşyga çagyryň. Şol gün siz işle-
mäň. 36 Ýedi günläp, Rebbe ot üsti bilen
berilýän gurbanlyk paýlaryny hödürläň.
Sekizinji gün halky mukaddes ýygna-
nyşyga çagyryň. Rebbe ot üsti bilen
berilýän gurbanlyk paýlaryny hödürläň.
Şol gün siz halky mukaddes ýygnanyşy-
ga çagyryň we işlemäň.
37 Mukaddes ýygnanyşyklarda
Rebbiň bellemegi buýran baýramlary şu-
lardyr: Rebbe ot üsti bilen berilýän sadaka
paýlary: ýakma gurbanlyklary, galla sa-
dakalary, başga gurbanlyklary we hödür
edilen içgileriň hemmesini öz bellenmeli
günlerinde beriň. 38 Bu baýramlar Rebbiň
Sabat günlerinden, aýratyn sadakalary-
ňyzdan, Hudaýa aýdan sadakalaryňyzdan
we Rebbe hödür eden ähli meýletin sada-
kalaryňyzdan daşarydyr. 39 Ýedinji aýyň
on bäşinji güni, siz ýerleriňiziň hasylyny
ýygnanyňyzda, ýedi günläp Rebbiň hor-
matyna baýram ediň. Birinji we sekizinji
günleri doly dynç alyň, işlemäň. 40 Birinji
gün oňat miweli agaçlaryň miwesini, pal-
ma şahalaryny, gür ýaprakly agaçlaryň
we suw boýunda ösýän söwütleriň şahala-
ryny alyp, Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda
ýedi günläp şady-horramlykda boluň.
41 Her ýyl ýedinji aýda ýedi günläp Rebbiň
şanyna baýram belläň. Bu siziň bütin ne-
silleriňiz üçin ebedilik düzgündir. 42 Ýedi
günläp çatmalarda ýaşaň, Ysraýylyň ähli
ýerli halky çatmalarda ýaşasyn. 43 Eger
şeýle etseňiz, Meniň ysraýyl halkyny
Müsürden alyp çykanymdan soň, olary
çatmalarda ýaşadandygymy siziň nesille-
riňiz bilerler. Hudaýyňyz Reb Mendirin“».
44 Şeýdip, Musa ysraýyl halkyna Rebbiň
bellenmeli baýramlaryny yglan etdi.

## 24-nji bap

### *Mukaddes ýerdäki çyralar*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyl hal-
kyna buýur: her gün yşyk bolar ýaly,

saňa çyra üçin ýenjilen zeýtunyň sap
arassa ýagyny getirsinler. 3Harun çy-
rany Rebbe ýüz tutulýan çadyrda, Äht
sandygynyň öňündäki tutynyň daşynda,
Rebbiň huzurynda her gün agşamdan
ertire çenli ýanyp durar ýaly edip goýsun.
Bu siziň bütin nesilleriňiz üçin ebedilik
düzgün bolsun. 4Ol çyralary sap altyn-
dan bolan çyradanyň üstünde Rebbiň
huzurynda her gün agşamdan ertire
çenli ýanyp durar ýaly edip goýsun».

### *Rebbe hödür edilen çörek*

5Reb Musa şeýle diýdi: «Saýlama
bugdaý unundan on iki sany çörek bi-
şirt, olaryň her biriniň agramy ondan iki
batmana barabar bolsun. 6Olary Rebbiň
huzurynda sap altyndan bolan hantagta-
nyň üstünde alty-altydan iki hatar edip
goý. 7Her hatar çöregiň ýanynda Rebbiň
ýoluna hödür edilen paý hökmünde sap
arassa, ýakymly ysly tütetgiden goý.
Bu Rebbe ot üsti bilen berilýän sadaka
bolup, ol çöregiň ornuny tutar. 8Harun
bulary adat boýunça her Sabat güni
Rebbiň huzurynda goýsun. Bu ysraýyl
halkynyň ebedilik borjudyr. 9Bu çörekler
Harun we onuň ogullarynyňkydyr. Olar
mukaddes ýerde iýilsin. Çünki Rebbe ot
üsti bilen berilýän sadaka paýlarynyň
içinde ruhanylar üçin örän mukaddesi
şudur. Bu siziň üçin ebedi parzdyr».

### *Hudaýa dil ýetirmek we onuň jezasy*

10Ysraýyllaryň arasynda ejesi ysraýyl-
ly, kakasy bolsa müsürli bolan bir adam
bardy. Düşelgede bir ysraýylly aýalyň
ogly bilen başga bir ysraýylly uruşmaga
başladylar. 11Ysraýylly aýalyň ogly küpür
gepläp, Rebbiň adyna dil ýetirdi. Onsoň
ony Musanyň ýanyna alyp geldiler. Onuň
ejesiniň ady Şelomytdy, ol dan tiresinden
bolan Dibriniň gyzydy. 12Reb özlerine
näme etmelidigini aýan edýänçä, olar
ýaňky adamy gabap goýdular.

13Reb Musa şeýle diýdi: 14«Hudaýa dil
ýetireni düşelgäniň daşyna çykar, ony
eşidenleriň bary ellerini onuň kellesine
goýsunlar we bütin halk ony daşlasyn.
15Onsoň ysraýyl halkyna aýt: „Kim öz
Hudaýyna dil ýetirse, onuň günäsi öz
boýnunadyr. 16Kimde-kim Rebbiň ady-
na dil ýetirse, ol ölüme höküm edilsin,
ony bütin halk daşlasyn. Gelmişekmi
ýa-da ýerli halk – parhy ýok, Rebbiň
adyna dil ýetiren öldürilmelidir. 17Adam
öldüreniň özi-de ölüme höküm edilsin.
18Mal öldüren onuň öwezini mal bilen
tölesin. 19Kim-de kim biriniň bedeni-
ne şikes ýetirse, onuň özüne-de edil
şonuň ýaly şikes ýetirilsin. 20Döwük
ornuna döwük, göz ornuna göz, diş
ornuna diş, kime nähili şikes ýetiren
bolsa, onuň özüne-de şonuň ýaly şikes
ýetirilsin. 21Mal öldüren onuň öwezini
mal bilen tölesin, adam öldüren ölüme
höküm edilsin. 22Gelmişek üçin hem,
ýerli adam üçin hem kanun birdir, çünki
Hudaýyňyz Reb Mendirin“».

23Musa bu tabşyryklary ysraýyl hal-
kyna bereninden soň, olar Rebbe dil
ýetiren adamy düşelgäniň daşyna çyka-
ryp daşladylar. Şeýle etmek bilen ysraýyl
halky Rebbiň Musa beren tabşyrygyny
ýerine ýetirdi.

## 25-nji bap

### *Mukaddes ýyl*
*(Kanun taglymaty 15:1-11)*

1Reb Sinaý dagynda Musa şeýle diýdi:
2«Ysraýyl halkyna aýt: „Meniň size ber-
ýän ýurduma baranyňyzda, siz Rebbiň
hormatyna her ýedinji ýyl ýere ekin
ekmän dynç beriň. 3Alty ýyl ýeriňe
ekin ek, alty ýyl üzümçiligiňi puda we

alty ýyl hasylyňy ýygna. 4 Emma ýedin-
ji ýyl ýer bütinleý ekişsiz galdyrylsyn.
Ol Rebbe bagyş edilen ýyl bolsun. Sen
ekin meýdanyňa ekin ekme, üzümçili-
giňi pudama. 5 Hasyl ýygnalandan soň,
sen özi gögereni orma, pudalmadyk
üzümiň miwesini ýygnama, ýedinji ýyl
ýer bütinleý ekişsiz galdyrylsyn. 6 Ýeriň
ekişsiz galdyrylan ýyly biten hasyl siziň
üçin, gul-gyrnaklaryňyzdyr günlükçiler
üçin we siziňkide wagtlaýyn ýaşaýan
gelmişekler üçin iýmit bolsun. 7 Şeýle
hem ýeriň hasyly siziň mal-garalaryňyz
we ýurduňyzdaky ýabany haýwanlar
üçin iýmit bolsun.

### *Baýram ýyly*

8 Ýedi ýyly ýedi gezek sanap geçir.
Şonda ol kyrk dokuz ýyl bolýandyr.
9 Onsoň ýedinji aýyň onunjy güni sur-
naý batly çalynsyn. Günäden saplanma
güni surnaý bütin ýurduňyzda çalynsyn.
10 Ellinji ýyly mukaddes ýyl edip, siz
ýurduň ýaşaýjylarynyň baryna azatlyk
yglan ediň. Bu siziň üçin baýram ýyly
bolsun. Her kim öz mülküne, öz maş-
galasyna dolanyp gelsin. 11 Bu ellinji ýyl
siziň üçin baýram ýyly bolsun. Ýere ekin
ekmäň, özi gögereni ormaň, pudalmadyk
üzümiň hasylyny ýygnamaň. 12 Çünki
bu baýram ýyly siziň üçin mukaddes
ýyldyr. Bu ýyl siz diňe ekin meýdany-
nyň öz öndüren önümlerini iýiň.
13 Bu baýram ýylynda her kim öz mül-
küne dolanyp gelsin. 14 Ýoldaşyňyza ýer
satanyňyzda ýa-da satyn alanyňyzda
biri-biriňizi aldamaň. 15 Ýoldaşyňyzdan
ýer satyn alanyňyzda, onuň bahasy in-
diki baýram ýylyna çenli, ýeriň öndürip
biljek hasylyna görä kesilsin. 16 Eger
baýrama çenli wagt köp bolsa, onda
ýeriň bahasyny artdyryň. Eger baýrama
çenli az wagt galan bolsa, onuň bahasyny
aşak düşüriň, çünki siz ýeriň öndürjek
belli bir mukdardaky hasylyny satyn
alýarsyňyz. 17 Siz birek-biregi aldamaň,
Hudaýyňyzdan gorkuň, çünki Hudaýy-
ňyz Reb Mendirin.
18 Ýurduňyzda howpsuz ýaşaryňyz
ýaly, Meniň parzlarymy berjaý ediň,
hökümlerime boýun boluň. 19 Ýer size
öz miwesini eçiler, siz ondan doýup
iýip, howpsuz ýaşarsyňyz. 20 Emma kim-
dir biriniň: ‘Eger ekin ekmesek, hasyl
ýygnamasak, onda biz ýedinji ýylda
näme iýeris?’ diýip soramagy müm-
kindir. 21 Men altynjy ýylda ýere şeýle
bir bereket indererin welin, ol iki ýyla
ýeterlik hasyl berer. 22 Sekizinji ýyl ekin
ekeniňizde-de, siz öňki hasyldan iýersi-
ňiz. Tä dokuzynjy ýyla çenli, täze hasyl
ýetişýänçä, siz köne hasyldan iýersiňiz.

### *Satylan emläk hakda*

23 Ýer hemişelik satylmasyn, çünki ol
Meniňkidir. Siz Meniň ýanymda gelmi-
şek we kärendeçi ýalysyňyz. 24 Eýeleýän
ähli ýeriňizde siz ony gaýtadan satyn
almaga mümkinçilik dörediň. 25 Eger
öz garyndaşlaryňyzdan biri garyp dü-
şüp, mülküniň bir bölegini satsa, onda
onuň hossary gelip, onuň satan ýerini
yzyna satyn alsyn. 26-27 Eger onuň ýeri
pul töläp yzyna satyn alyp biljek hos-
sary bolman, emma soň onuň özi baýap,
ýeri yzyna satyn alar ýaly ýeterlik pul
toplasa, onda ol ýeriň satylanyndan
bäri geçen wagty hasaplap aýryp, galan
puly satan adamyna gaýtaryp bersin
we mülk hem eýesine gaýtarylyp beril-
sin. 28 Emma eýesiniň ýeri yzyna satyn
almaga ýeterlik puly bolmasa, onda sa-
tylan ýer baýram ýylyna çenli ony satyn
alan adamyň elinde galar. Ýöne baýram
ýylynda ýer onuň ygtyýaryndan çykyp,
mülk öňki eýesine gaýtarylyp berilsin.

29 Eger biri galadaky öýüni satsa, ol
satylan wagtyndan soňky bir ýylyň do-
wamynda öýi yzyna satyn alyp biler.
Eýesiniň öýi bir ýyla çenli yzyna satyn
almaga haky bar. 30 Eger galadaky öý
bir ýyla çenli yzyna satyn alynmasa, öý
ony satyn alan adamyň elinde hemişe-
lik galar. Öý baýram ýylynda-da satyn
alanyň ygtyýaryndan çykmaz. 31 Emma
diwarsyz obalardaky öýler açyk meýdan
bilen deň saýylsyn. Olar yzyna satyn
alnyp bilner we baýram ýyly öz hakyky
eýesine gaýtarylyp berilsin. 32 Lewileriň
galalary barada aýtsak, lewiler özlerine
degişli galalardaky öýlerini islän wagtla-
ry yzyna satyn alyp bilerler. 33 Lewileriň
biri özlerine degişli bolan galalaryň
birindäki öýi satyp, ony yzyna satyn
almasa, öý baýram ýyly onuň özüne
gaýtarylyp berilsin. Çünki lewileriň
galalaryndaky öýleri olaryň ysraýyl hal-
kynyň arasyndaky mülkleridir. 34 Emma
olaryň galalarynyň töweregindäki açyk
meýdanlar satylmaly däldir, çünki bu
olaryň ebedilik mülküdir.

### *Garyplar hakda*

35 Eger garyndaşlaryňyzdan biri garyp
düşüp, ol seniň kömegiňe mätäç bolsa,
sen oňa araňyzda ýaşaýan gelmişekle-
re goldaw berşiň ýaly goldaw bermeli.
36 Ondan göterim alyp, peýda görjek
bolma. Hudaýyňyzdan gork. Goý, olar
siziň araňyzda ýaşasyn. 37 Kömege mä-
täje karz alan pulundan artyk töletme
ýa-da peýda görmek üçin iýmiti oňa
ýokary bahadan satma. 38 Kengan ýur-
duny size bermek üçin, siziň Hudaýyňyz
bolmak üçin, sizi Müsürden alyp çykan
Hudaýyňyz Reb Mendirin.

39 Eger ildeşiňiň biri halys garyp düşüp,
özüni saňa satsa, sen ony gul ýaly işlet-
me. 40 Gaýtam, ol seniňkide wagtlaýyn
ýaşaýan gelmişek ýa-da günlükçi bolsun.
Ol baýram ýylyna çenli seniňkide işlesin.
41 Baýram ýylynda bolsa ol öz çagalary
bilen seniň ygtyýaryňdan çykyp, öz
maşgalasyna, ata-babalarynyň mülküne
dolanyp gelsin. 42 Çünki ol Meniň Mü-
sürden alyp çykan gulumdyr. Ol guluň
satylyşy ýaly satylmaly däldir. 43 Siz
oňa gödek daraşmaň, Hudaýyňyzdan
gorkuň. 44 Eger size gul-gyrnak gerek
bolsa, olary töweregiňizdäki milletler-
den satyn alyň. 45 Öz araňyzda ýaşaýan
gelmişekleriň arasyndan, olaryň siziň
ýurduňyzda doglan çagalarynyň ara-
syndan gul-gyrnak satyn alyp bilersiňiz.
Olar siziň eýeçiligiňizde bolarlar. 46 Olary
siz özüňizden soňky çagalaryňyza mi-
ras hökmünde galdyryp bilersiňiz. Siz
olary gul hökmünde ulanyp bilersiňiz,
ýöne öz ysraýyl doganlaryňyza hiç kim
gödeklik bilen daraşmasyn.

47-48 Eger siziň araňyzda ýaşaýan
gelmişekleriň biri baýap, öz ysraýyl
doganlaryňyzdan biri garyp düşüp, özü-
ni ýaňky gelmişege ýa-da gelmişegiň
kowmyndan birine satsa, ol satylanyn-
dan soň, onuň yzyna satyn alynmaga
haky bardyr. Öz ysraýyl doganlaryndan
biri ony yzyna satyn alyp biler. 49 Agasy
ýa-da doganoglany, ýa-da öz kowmyn-
dan bolan mährem garyndaşlarynyň
biri ony yzyna satyn alyp biler. Eger
satylanyň özi baýasa, onda onuň özi
özüni yzyna satyn alyp biler. 50 Ol özüni
satyn alan adam bilen, satylan ýylyndan
bäri geçen ýyllary hasaplasyn. Baha
baýram ýylyna çenli galan wagta görä
günlükçiniň zähmet hakynyň hasaby-
na görä hasaplanyp çykarylsyn. 51 Eger
baýram ýylyna çenli wagt uzak bolsa,
onda ol özüniň satyn alnan bahasyna
görä tölesin. 52 Eger-de baýram ýylyna
çenli galan wagt az bolsa, onda ol özüni

satyn alan adam bilen hasaplaşyp, tölegi
öz satylan wagtyndan bäri geçen wag-
ta görä tölesin. 53 Olar ýylyna hakyna
tutulýan işçi hökmünde baý gelmişe-
giň ygtyýarynda bolar. Ýöne hojaýyn
siziň gözüňiziň alnynda olara gödek
daraşmasyn. 54 Eger olar şeýle ýagdaýda
yzyna satyn alynmasalar, olar we ola-
ryň çagalary baýram ýylynda azatlyga
çykarylmalydyrlar. 55 Çünki ysraýyl hal-
ky Meniň gullarym, Meniň Müsürden
alyp çykan gullarymdyr. Hudaýyňyz
Reb Mendirin.

**26-njy bap**

***Rebbiň tabşyryklaryny berjaý etmegiň sylagy***

1 Özüňize butlar ýasamaň, heýkeller
we uly daşlar dikmäň. Sežde etmek
üçin ýurduňyzda oýma daş dikmäň.
Hudaýyňyz Reb Mendirin. 2 Sabat günü-
miň kanunlaryny ýerine ýetirip, Meniň
mukaddes öýüme hormat goýuň. Reb
Mendirin.
3-4 Eger siz Meniň parzlaryma eýerip,
tabşyryklarymy saklap, olary ak ýürek-
den berjaý etseňiz, Men siziň ýerleriňize
gerek wagtynda ýagyş ýagdyraryn. Ýer
hasyl berer, meýdan agaçlary-da mi-
we getirer. 5 Ekinleriňiz şeýle bir köp
hasyl getirer welin, döwegiňiz üzüm
ýygymyna çenli dowam eder. Üzüm
ýygymy galla ekişine çenli dowam eder,
çöregiňizi doýup iýersiňiz, ýurduňyzda
howpsuzlykda ýaşarsyňyz. 6 Men ýurda
parahatçylyk bererin. Siz arkaýyn ýatyp
turarsyňyz. Sizi gorkuzan bolmaz. Men
ýurtdaky wagşy haýwanlaryň ýoguna
ýanaryn. Ýurduňyzda uruş bolmaz. 7 Siz
duşmanlaryňyzdan üstün çykarsyňyz.
Uruşda duşmanlaryňyzy gyrarsyňyz.
8 Bäşiňiz ýüzden, ýüziňiz müňden üstün
çykarsyňyz. Uruşda duşmanlaryňyzy
gyrarsyňyz. 9 Men sizi ýalkap, size köp
çaga berip, sanyňyzy köpelderin. Men
siziň bilen eden ähtimi saklaryn. 10 Siz
uzak wagtlap saklanan öňki köne gal-
lany iýersiňiz. Täze hasyla ýer açmak
üçin, siz köne hasyly çykaryp taşlamaly
bolarsyňyz. 11 Men siziň araňyzda mes-
gen tutaryn. Men hiç haçan sizden ýüz
öwürmerin. 12 Men siziň araňyzda bolup,
siziň Hudaýyňyz bolaryn, sizem Meniň
halkym bolarsyňyz. 13 Müsürlileriň guly
bolup galmasynlar diýip, sizi Müsürden
alyp çykan Hudaýyňyz Reb Mendirin.
Sizi olaryň elinden azat edip, başyňyzy
dik tutduryp ýöreden Mendirin.

***Rebbe gulak asmazlygyň jezasy***

14-16 Eger siz Maňa boýun egmän, ähli
tabşyryklarymy berjaý etmän, parzla-
rymdan, hökümlerimden ýüz öwrüp,
ähtimi bozsaňyz, Men siziň üstüňizden
howp indererin. Bejerip bolmaýan, gö-
züňi kör edip, lütüňi çykarýan ysytmany
Men siziň başyňyzdan indererin. Eken
ekinleriňiz özüňize nesip etmez, olary
duşmanlaryňyz iýer. 17 Men sizden ýüz
öwrerin, duşmanlaryňyz sizden üstün
çykarlar, ýagylaryňyz üstüňizden höküm
sürerler. Siz yzyňyzda kowgy bolmasa-
-da, dowla düşüp gaçarsyňyz. 18 Şeýle
betbagtçylyklardan soňam siz Maňa
gulak asmasaňyz, onda Men size öňkü-
den ýedi esse artyk jeza bererin. 19 Men
siziň buýsanýan güýjüňizi syndyraryn.
Gökden ýagyş ýagmaz we ýerleriňiz ga-
tap, daşa döner. 20 Siz güýjüňizi biderek
sarp edersiňiz, ýeriňiz hasyl, agaçlary-
ňyz miwe bermez.
21 Eger siz Maňa garşy gitmegiňizi
dowam edip, Maňa gulak asmasaňyz,
boýnuýogynlygyňyz üçin Men size
ýene-de ýedi esse artyk jeza bererin.

22 Üstüňize wagşy haýwanlary ibererin.
Olar sizi çagalaryňyzdan jyda düşü-
rerler, mallaryňyzy gyrarlar, sanyňyzy
azaldyp, ýollaryňyzy çolardarlar. 23-24 Şu
jezalardan soňam Maňa tarap öwrülmän,
garşyma gitmegiňizi dowam etseňiz,
onda Men hem siziň garşyňyza gidip,
günäleriňiz üçin size ýene öňküden-de
ýedi esse artyk jeza bererin. 25 Men siziň
ýurduňyzda uruş turzaryn. Ähtimi bo-
zanlygyňyz üçin, Men size hökman jeza
bererin. Eger siz galalaryňyzda gaçyp
gizlenseňiz, Men siziň araňyza gyrgyn
keselini ibererin. Şeýdip, Men sizi duş-
manyňyzyň eline bererin we olar siziň
üstüňizden höküm sürerler. 26 Men sizi
çörekden kesenimde, on aýal diňe bir
tamdyrda çörek ýapar. Olar çöregiňizi
size ölçäp bererler. Siz ondan iýersiňiz,
ýöne doýmarsyňyz. 27-28 Emma şonda-da
Maňa gulak asman, garşyma gitmegi
dowam etseňiz, Men gahar bilen size
garşy gidip, günäleriňiz üçin size ýene
öňküden-de ýedi esse artyk jeza bererin.
29 Siz açlygyňyzdan ýaňa ogullaryňyzyň,
gyzlaryňyzyň etini iýersiňiz. 30 Siziň
seždegähleriňizi ýykyp, ýakymly ysly
tütetgi ýakýan sypalaryňyzy weýran
ederin. Siziň maslyklaryňyzy ýykylan
butlaryňyzyň maslyklarynyň üstüne
üýşürerin. Men sizi ret ederin. 31 Men
siziň galalaryňyzy haraba öwrüp, siziň
seždegähleriňizi ýer bilen ýegsan ederin,
ýakymly ysly sadakalaryňyzy kabul
etmerin. 32 Siziň ýurduňyzy şeýle bir
weýran ederin welin, onda ornaşmaga
gelýän duşmanlaryňyz muňa haýran
galarlar. 33 Men sizi gelmişek milletleriň
arasyna pytradyp, garşyňyza uruş turza-
ryn. Siziň ýurduňyz çolaryp, galalaryňyz
haraba öwrüler. 34 Siz duşmanlaryňyzyň
ýurdundakaňyz, haraba bolup ýatan
boş ýer oňat dynç alar. Ýer näçe köp
harabalykda ýatsa, ol şonça-da onuň
hözirini görer. 35 Ol ýerde ýaşaýarkaňyz
Sabat günleriňiz boş ýatmadyk ýer, şu
wagt siz ýesirlikdekäňiz, boş ýatsyn.
36 Duşmanlaryňyzyň ýurtlarynda diri
galanlaryňyzyň ýüreklerine Men şeýle
bir gorky salaryn welin, hatda ýapragyň
şemala şygyrdaýan sesi-de sizi gaçma-
ga mejbur eder. Siz gylyçdan gaçýan
ýaly gaçarsyňyz. Siz yzyňyzda kowgy
bolmasa-da, bar ýaly bolup gaçarsyňyz.
37 Sizi kowalaýan bolmasa-da, gylyç-
dan gaçýan dek, biri-biriňize büdreşip
ýykylarsyňyz, sizde duşmanlaryňyza
garşy durmaga mejal galmaz. 38 Siz gel-
mişek milletleriň arasynda heläk bolup,
duşmanlaryňyzyň ýurdy sizi ýuwudar.
39 Diri galanlaryňyz bolsa öz etmişleri-
ňiz we atalaryňyzyň etmişleri zerarly
duşmanlaryňyzyň ýurdunda çüýrärsiňiz.

40-42 Siziň nesilleriňiz öz etmişlerini
we atalarynyň etmişlerini, olaryň Maňa
biwepalyk edip, Meniň garşyma giden-
diklerini we Meniň hem olara garşy gidip,
olary duşmanlarynyň ýurduna getiren-
digimi boýun alarlar. Siziň nesilleriňiz
boýnuýogynlyk etmeklerini bes edip,
öz günäleri üçin ötünç soranlaryndan
soň, Men Ýakup bilen eden ähtimi, Ys-
hak bilen eden ähtimi, Ybraýym bilen
eden ähtimi we ýurdy size bererin diýip
eden wadamy ýatlaryn. 43 Çünki ýer halk
tarapyndan terk edilip, ol haraba bolup
ýatyr. Halk Meniň hökümlerimi ret edip,
parzlarymdan ýüz öwrendigi üçin, öz
duşmanynyň ýurdunda öz etmişiniň
jezasyny çeksin. 44 Emma bu zatlara gara-
mazdan Men olar heniz duşmanlarynyň
ýurdundakalar, olary ret edip, olardan
ýüz dönderip, bütinleý heläk etmerin
we olar bilen eden ähtimi bozmaryn,
çünki olaryň Hudaýy Reb Mendirin.
45 Gaýtam, olar üçin, olaryň Hudaýy

bolmak üçin, olaryň beýleki milletleriň
gözüniň alnynda Müsürden alyp çykan
ata-babalary bilen eden ähtimi ýatlaryn.
Men Rebdirin“». 46 Rebbiň Sinaý dagyn-
da Musanyň üsti bilen ysraýyl halkyna
beren parzlary, hökümleri we kanunlary
şulardan ybaratdyr.

### 27-nji bap

***Rebbe aýdylan sadakalar hakynda***

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyl
halkyna aýt: „Eger kimdir biri Reb-
be berlen wadany berjaý etmek üçin
Rebbe bagyş edilen bolsa, ol adam şu
möçberdäki bahalar bilen azat edilip
bilner. 3 Ýigrimi ýaşdan altmyş ýaşa
çenli bolan erkek adamyň bahasy mu-
kaddes öýüň kesgitlän ölçegine görä bir
ýüz mysgal [a] kümüş bolsun. 4 Eger aýal
maşgala bolsa, ýetmiş mysgal [b] kümüş
bolsun. 5 Bäş ýaşdan ýigrimi ýaşa çenli
bolan oglanlaryň bahasy kyrk bäş mys-
gal [ç] kümüş, gyzlaryňky ýigrimi iki
mysgal [d] kümüş bolsun. 6 Bir aýlykdan
bäş ýaşa çenli bolan oglanyň bahasy on
bir mysgal [e] kümüş, gyzyň bahasy ýedi
mysgal [ä] kümüş bolsun. 7 Ýaşy altmyş
ýa-da ondan ýokary bolan erkek kişi-
niň bahasy otuz bäş mysgal [f] kümüş,
aýalyňky ýigrimi iki mysgal kümüş
bolsun. 8 Eger kimdir biri Rebbe adam
bermegi wada edip, soňam onuň boşa-
dylmagy üçin tölenmeli bahany töläp
bilmese, onda ony ruhanynyň ýanyna
getirsinler. Ruhany onuň ýagdaýyna
görä baha kessin.
9 Eger Rebbe wada berlen mal sada-
ka hökmünde kabul edilse, onda hödür
edilen her bir sadaka maly mukaddesdir.
10 Malyň eýesi maly başga oňat mal bilen
çalyşmaly däldir. Eger bir mal başga mal
bilen çalşylaýan ýagdaýynda, olaryň
ikisi-de Rebbe degişlidir. 11 Eger wada
berlen mal Rebbe hödür edilmeýän ha-
ram mallardan bolsa, ol mal ruhanynyň
ýanyna getirilsin. 12 Oňatdygyna ýa-da
erbetdigine garamazdan, ruhany mala
baha kessin. Ruhanynyň kesen bahasy
gutarnykly baha bolsun. 13 Eger malyň
eýesi ony yzyna satyn almakçy bolsa,
ol ruhanynyň kesen bahasynyň üstüne
ýene bäşden birini goşsun.
14 Eger kimdir biri öýüni Rebbe bagyş
etse, oňatmy ýa-da erbet – parhy ýok,
ruhany oňa baha kessin. Ruhany ony
näçe bahalasa, şol baha gutarnykly ba-
ha bolsun. 15 Eger-de öýüni bagyş eden
adam ony yzyna satyn almakçy bolsa,
ol kesilen bahanyň üstüne ýene bäşden
birini goşsun. Şondan soň öý öz eýesine
gaýtarylyp berler. 16 Eger kimdir biri öz
mülkünden bir bölek ýeri Rebbe bagyş
etse, ýeriň bahasy oňa ekiljek tohumyň
mukdaryna görä kesilsin: bir eşek ýüki
arpa tohumynyň gymmaty bir ýüz mys-
gal kümüş bolsun. 17 Eger kimdir biri
ýeri baýram ýyly geçen badyna Rebbe
bagyş etse, ýeriň bahasy ruhanynyň
kesen nyrhynda galsyn. 18 Eger eýesi

[a] **27:3 *Bir ýüz mysgal*** – ýewreýçe *elli şekel*. Bu takm. 600 gr deňdir.
[b] **27:4 *Ýetmiş mysgal*** – ýewreýçe *otuz şekel*. Bu takm. 340 gr deňdir.
[ç] **27:5 *Kyrk bäş mysgal*** – ýewreýçe *ýigrimi şekel*. Bu takm. 230 gr deňdir.
[d] **27:5 *Ýigrimi iki mysgal*** – ýewreýçe *on şekel*. Bu takm. 115 gr deňdir.
[e] **27:6 *On bir mysgal*** – ýewreýçe *bäş şekel*. Bu takm. 57 gr deňdir.
[ä] **27:6 *Ýedi mysgal*** – ýewreýçe *üç şekel*. Bu takm. 34 gr deňdir.
[f] **27:7 *Otuz bäş mysgal*** – ýewreýçe *on bäş şekel*. Bu takm. 170 gr deňdir.

ýeri baýram ýylyndan has soňrak Rebbe
bagyş etse, onda ruhany indiki baýram
ýylyna çenli galan wagty hasaplap, ba-
hany öňküden kemeltsin. 19 Eger ýeri
Rebbe bagyş eden adam ony yzyna satyn
almakçy bolsa, onda ol ruhanynyň kesen
bahasynyň üstüne bäşden birini goşsun.
Şondan soň ýer öz eýesine gaýtarylyp
berler. 20 Emma ýeri ilki yzyna satyn al-
man, ony başga birine satsa, ýer eýesiniň
ony yzyna satyn almaga haky ýokdur.
21 Emma baýram ýyly gelende, ýer bagyş
edilen mülk hökmünde Rebbiňki bolar.
Ol ýer ruhanynyň eýeçiligine geçer.

22-23 Eger biri öz mülkünden daşary
satyn alan ýerini Rebbe bagyş etse, ruha-
ny ýeriň bahasyny baýram ýylyna çenli
galan wagta görä hasaplap çykarsyn.
Rebbe mukaddes sadaka hökmünde
ýeriň bahasy şol günüň özünde tölen-
sin. 24 Baýram ýylynda bolsa ýer mülk
eýesine, ýagny satyn alnan adamyna
geçer. 25 Ähli bahalar, mukaddes öýüň
resmi ölçegine görä kesilsin, ýagny iki
mysgal [a] bolsun.

26 Mal-garanyň ilkinji doglany Reb-
biňkidir. Ony hiç kim Rebbe bagyş edip
bilmez. Öküz bolsun, owlak-guzy bol-
sun – parhy ýok, olar Rebbiňkidir. 27 Eger
ol mal haram bolsa, onda malyň eýesi
ruhanynyň kesen bahasynyň üstüne
bäşden birini goşup, ony yzyna satyn
alsyn. Eger mal yzyna satyn alynmasa,
kesilen baha görä satylsyn.

28 Rebbe bagyş edilen islendik zat:
adam bolsun, haýwan bolsun ýa-da mülk
berlen ýer bolsun – parhy ýok, ol satylyp
ýa-da yzyna satyn alnyp bilinmez. Bagyş
edilen her bir zat ebedilik Rebbe degiş-
lidir. 29 Bütinleý ýok edilmeli ynsanlar
hem yzyna satyn alnyp bilinmez. Olar
hökman ölüme höküm edilsin.

30 Ýerden önýän önümleriň ondan biri:
dänemi ýa-da miwe – parhy ýok, olaryň
bary Rebbiňkidir. Olar Rebbe bagyş
edilendir. 31 Eger kimdir biri öz ondan
birini yzyna satyn almak islese, ondan
biriniň nyrhynyň üstüne bäşden birini
goşsun. 32 Iri mallaryň we dowarlaryň
ondan birini, ýagny çopanyň sanaýan her
onunjy maly Rebbe bagyş edilsin. 33 Hiç
kim şikesli maly sadaka bermesin. Şeýle
hem mal çalşylmasyn. Eger ol çalşylaýsa,
olaryň ikisem Rebbe degişli bolar. Siz
olary yzyna satyn almaly dälsiňiz“».

34 Rebbiň Sinaý dagynda ysraýyl halky
üçin Musa beren buýruklary şulardan
ybaratdyr.

[a] **27:25** ***Iki mysgal*** – ýewreýçe *ýigrimi gera*. Bu takm. 10 gr deňdir.

# Çölde

## Giriş

*Çölde* kitabynda ysraýyl halkynyň müsür gulçulygyndan soňky taryhy beýan edilýär. Ysraýyl halky Sinaý dagyndan wada berlen Kengan ýurduna ýetýänçä, kyrk ýyllap çölde gezmeli bolýar. Şonuň üçin-de, bu kitap *Çölde* diýip atlandyrylyp, şol kyrk ýylyň dowamynda bolup geçen wakalary beýan edýär.

Kitap üç bölümden ybaratdyr. Birinji bölümde (1:1–9:23) Hudaý Musa pygambere ysraýyl halkyny sanamagy buýurýar. Soňra Ol Musa ysraýyl halkyna düşelge gurup, lewileri hyzmata bellemek üçin görkezmeler berýär. Bu bölüm hemmeleriň Pesah baýramçylygyny belläp, Rebbe gurbanlyklar hödürlemegi bilen tamamlanýar.

Ikinji bölümde (10:1–21:35) ysraýyllaryň Iordan derýasynyň gündogarynda ýaşaýan millete tarap, ýagny Mowaba barýarkalar, ýolda bolup geçen wakalar beýan edilýär. Çölüň içinden geçilen bu ýol gaty agyrdy. Halk ýygy-ýygydan arz-şikaýat edip, Musanyň we Hudaýyň garşysyna baş göterýär. Ysraýyllar Kenganda ýaşaýan milletler barada eşidip, ýurda girmekden boýun towlaýarlar. Şonuň üçin-de, Reb olary jezalandyryp, kyrk ýyllap çölde ýaşadýar. Bu bölüm halkyň Mowapdaky Pisga dagynyň golaýynda düşlemegi bilen tamamlanýar.

Üçünji bölüm (22:1–36:13) ysraýyllaryň ýurduň diňe Iordan derýasynyň gündogar tarapyny – günortada Mowap araçäginden demirgazykda Jelile kölüne çenli aralygy basyp almagy bilen başlanýar. Mowap patyşasy ysraýyl halkyna nälet okatmak üçin, keseki Bilgam pygamberi hakyna tutýar. Emma ol pygamber halka nälet okaman, Rebbiň buýrugyna görä ony ýalkaýar.

Ysraýyllar Iordan derýasyndan geçip, Kengan ýurduny basyp almaga taýýarlyk görýärler. Ýöne halkyň bir bölegi Iordan derýasynyň gündogarynda galmagy makul bilýär. Şeýdip, Ysraýyllar ikinji gezek hasaba alynýar. Reb Ýeşuwany Ysraýyla baştutan belleýär we oňa tireleriň arasynda ýurdy paýlamaga kömek eder ýaly, başga baştutanlary-da saýlaýar. Kitap Rebbiň ysraýyllara goşmaça kanunlary bermegi bilen tamamlanýar.

*Çölde* kitaby gozgalaňçy, ruhdan düşen we Rebbiň öz aladasyny etjegine ynanmakdan boýun gaçyran halk hakyndadyr. Kitapda Rebbiň uruşda halky gorap, ýowuz çölde olary azyk, suw bilen üpjün edişi görkezilýär. Reb Özüniň ysraýyllary ýok etmek islemeýändigini ençeme gezek aýdýar. Reb, edil Harunyň

dileg edişi ýaly, olary ýalkamak isleýär:
*«Goý, Reb sizi ýalkap, Öz penasynda saklasyn! Reb güler ýüzi bilen baksyn, size merhemet etsin! Reb size nazaryny salyp, salamatlyk bersin!»*
*6:24-26.*

***Mazmuny***

Sinaý dagynda: ýola düşmäge taýýarlyk.......................................... *1:1–9:23*
Çölde: başbozarlar, ölüm we ýeňiş...............................................*10:1–21:35*
Mowap düzlüginde: ýurda girmäge taýýarlyk.............................*22:1–36:13*

---

**1-nji bap**

***Musa ysraýyllary hasaba alýar***

1 Reb Sinaý çölünde ysraýyl halkynyň
Müsürden çykanynyň ikinji ýylynyň
ikinji aýynyň birinji güni Özüne ýüz
tutulýan çadyryň içinde Musa şeýle diý-
di: 2 «Uruglaryna we kowumlaryna görä
bütin ysraýyl halkynyň her bir erkegini
ýekeme-ýeke hasaba al. 3 Ýaşy ýigrimi
we ondan ýokary bolan ysraýyl goşunyn-
da söweşe ukyply hemme adamy Harun
ikiňiz topar-topar edip, ýazyp hasaba
almalysyňyz. 4 Ýanyňyzda her tireden bir
adam, ýagny öz urugynyň baştutany bol-
sun. 5 Size kömek etmeli adamlar şulardyr:
Ruben tiresinden Şedeýuryň ogly Elisur;
6 şimgon tiresinden Suryşadaýyň ogly Şelumyýel;
7 ýahuda tiresinden Eminadabyň ogly Nahşon;
8 ysakar tiresinden Sugaryň ogly Netanel;
9 zebulun tiresinden Helonyň ogly Eliýap.
10 Ýusubyň ogullaryndan:
efraýym tiresinden Emihudyň ogly Elişama;
manaşa tiresinden Pedahsuryň ogly Gamlyýel.
11 Benýamin tiresinden Gidgonynyň ogly Abydan;
12 dan tiresinden Emişadaýyň ogly Ahygezer;
13 aşer tiresinden Okranyň ogly Pagyýel;
14 gat tiresinden Deguwalyň ogly Elýasap;
15 naftaly tiresinden Eýnanyň ogly Ahura».
16 Bular öz kowumlary we tireleri üçin
ysraýyl halkynyň içinden bellenen
baştutanlardy.
17 Musa bilen Harun bu atlary bellenen
adamlary ýanlaryna alyp, 18-19 ikinji aýyň
birinji güni halky ýygnadylar. Rebbiň
Musa buýruşy ýaly edip, ýaşy ýigri-
mi we ondan ýokary bolan adamlar
öz uruglaryna we kowumlaryna görä
atlaryny ýekeme-ýeke mälim etdiler.
Şeýdip, Musa Sinaý çölünde olaryň sa-
nyny ýazyp aldy. 20 Ysraýylyň nowbahar
ogly Rubeniň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 21 Ruben tiresinden hasaba alnan-
lar kyrk alty müň bäş ýüz adam boldy.
22 Şimgonyň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýigrimi we ondan ýokary ýaşly,
sanawda bolan erkek adamlar uruglary-
na we kowumlaryna görä ýekeme-ýeke

hasaba alyndy. 23 Şimgon tiresinden ha-
saba alnanlar elli dokuz müň üç ýüz
adam boldy.
24 Gatyň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 25 Gat tiresinden hasaba alnanlar
kyrk bäş müň alty ýüz elli adam boldy.
26 Ýahudanyň nesillerinden söweş-
mäge ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan
ýokary bolan erkek adamlar uruglaryna
we kowumlaryna görä ýekeme-ýeke
hasaba alyndy. 27 Ýahuda tiresinden ha-
saba alnanlar ýetmiş dört müň alty ýüz
adam boldy.
28 Ysakaryň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 29 Ysakar tiresinden hasaba al-
nanlar elli dört müň dört ýüz adam boldy.
30 Zebulunyň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 31 Zebulun tiresinden hasaba al-
nanlar elli ýedi müň dört ýüz adam boldy.
32 Ýusubyň, ýagny Efraýymyň nesille-
rinden söweşmäge ukyply, ýaşy ýigrimi
we ondan ýokary bolan erkek adamlar
uruglaryna we kowumlaryna görä ýe-
keme-ýeke hasaba alyndy. 33 Efraýym
tiresinden hasaba alnanlar kyrk müň
bäş ýüz adam boldy.
34 Manaşanyň nesillerinden söweş-
mäge ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan
ýokary bolan erkek adamlar uruglaryna
we kowumlaryna görä ýekeme-ýeke ha-
saba alyndy. 35 Manaşa tiresinden hasaba
alnanlar otuz iki müň iki ýüz adam boldy.
36 Benýaminiň nesillerinden söweş-
mäge ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan
ýokary bolan erkek adamlar uruglaryna
we kowumlaryna görä, ýekeme-ýeke
hasaba alyndy. 37 Benýamin tiresinden
hasaba alnanlar otuz bäş müň dört ýüz
adam boldy.
38 Danyň nesillerinden, söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 39 Dan tiresinden hasaba alnanlar
altmyş iki müň ýedi ýüz adam boldy.
40 Aşeriň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 41 Aşer tiresinden hasaba alnan-
lar kyrk bir müň bäş ýüz adam boldy.
42 Naftalynyň nesillerinden söweşmäge
ukyply, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolan erkek adamlar uruglaryna we
kowumlaryna görä ýekeme-ýeke hasaba
alyndy. 43 Naftaly tiresinden hasaba al-
nanlar elli üç müň dört ýüz adam boldy.
44 Her biri öz tiresine wekilçilik edýän
Ysraýylyň on iki baştutanynyň kömegi
bilen Musanyň we Harunyň tarapyn-
dan hasaba alnanlar şulardy. 45 Ysraýyl
goşunynda söweşe ukyply, ýaşy ýigri-
mi we ondan ýokary bolanlaryň ählisi
öz kowumlaryna görä hasaba alyndy.
46 Olaryň jemi alty ýüz üç müň bäş ýüz
elli adam boldy.
47 Emma lewiler öz tirelerine görä ha-
saba alynmadylar. 48 Reb Musa şeýle
diýipdi: 49 «Diňe lewi tiresiniň adamla-
ryny hasaba alma, olary ysraýyl halky
bilen bile sanama. 50 Oňa derek ola-
ry mukaddes äht çadyryna, onuň ähli
esbaplaryna we oňa degişli zatlaryň
hemmesine jogapkär edip goý. Mukad-
des çadyry we onuň ähli esbaplaryny olar
götersinler we oňa gözegçilik etsinler, öz
çadyrlaryny onuň töwereginde diksinler.

51 Mukaddes çadyr göçürilmeli bolanda,
ony lewiler ýygnasynlar. Mukaddes öý
dikilmeli bolanda, ony lewiler diksinler.
Lewilerden başga, kim oňa golaýlaşsa,
onuň jezasy ölümdir. 52 Ysraýyllaryň
hersi bölünen tire toparyna görä, öz
düşelgesinde öz tugy astynda düşlesin-
ler. 53 Emma lewiler ysraýyl halkynyň
başyna Hudaýyň gazaby inmez ýaly,
çadyrlaryny mukaddes äht çadyrynyň
töwereginde diksinler. Mukaddes äht
çadyryny goramak keşigini-de lewiler
çeksinler». 54 Ysraýyllar edil Rebbiň
Musa tabşyryşy ýaly etdiler.

## 2-nji bap

### *Tireleriň ýerleşiş we ýöriş tertibi*

1 Reb Musa bilen Haruna şeýle diý-
di: 2 «Ysraýyl tireleri düşlände, hersi
öz düşelgesinde öz uruglarynyň tugy
astynda çadyrlaryny diksinler. Olar ça-
dyrlaryny Rebbe ýüz tutulýan çadyrdan
uzagrakda diksinler. 3 Ýahuda goşunlary
mukaddes çadyryň gündogarynda öz
tugy astynda düşelgesini gursun. Ýa-
hudalaryň baştutany Eminadabyň ogly
Nahşondyr. 4 Onuň goşunynda hasaba
alnanlar ýetmiş dört müň alty ýüz adam-
dyr. 5 Onuň ýanynda ysakar tiresiniň
düşelgesi bolsun. Ysakarlaryň baştutany
Sugaryň ogly Netaneldir. 6 Onuň goşu-
nynda hasaba alnanlar elli dört müň
dört ýüz adamdyr. 7 Onuň gapdalynda
zebulun tiresi çadyryny diksin. Zebulun-
laryň baştutany Helonyň ogly Eliýapdyr.
8 Onuň goşunynda hasaba alnanlar elli
ýedi müň dört ýüz adamdyr. 9 Ýahuda dü-
şelgesindäki hasaba alnan goşunyň jemi
bir ýüz segsen alty müň dört ýüz adam.
Ýörişe ilkinji bolup şolar çyksynlar.
10 Günorta gapdalynda, öz tugy astyn-
da ruben goşunlarynyň düşelgesi bolsun.
Rubenleriň baştutany Şedeýuryň ogly
Elisurdyr. 11 Onuň goşunynda hasaba
alnanlar kyrk alty müň bäş ýüz adam-
dyr. 12 Onuň ýanynda şimgon tiresiniň
düşelgesi bolsun. Şimgonlaryň baştutany
Suryşadaýyň ogly Şelumyýeldir. 13 Onuň
goşunynda hasaba alnanlar elli dokuz
müň üç ýüz adamdyr. 14 Onuň gapdalyn-
da gat tiresi çadyryny diksin. Gatlaryň
baştutany Reguwalyň ogly Elýasapdyr.
15 Onuň goşunynda hasaba alnanlar kyrk
bäş müň alty ýüz elli adamdyr. 16 Ruben
düşelgesindäki hasaba alnan goşunyň
jemi bir ýüz elli bir müň dört ýüz elli
adam. Olar ýörişe ikinji bolup çyksynlar.
17 Lewileriň düşelgesi Rebbe ýüz
tutulýan çadyr bilen bilelikde beýle-
ki düşelgeleriň ortasynda ýöremelidir.
Edil düşleýişleri ýaly, her bir adam öz
ornunda, öz tugy astynda ýörişe çyksyn.
18 Günbatar gapdalynda öz tugy as-
tynda efraýym goşunlarynyň düşelgesi
bolsun. Efraýymlaryň baştutany Emihu-
dyň ogly Elişamadyr. 19 Onuň goşunynda
hasaba alnanlar kyrk müň bäş ýüz adam-
dyr. 20 Onuň ýanynda manaşa tiresiniň
düşelgesi bolsun. Manaşalaryň baştutany
Pedahsuryň ogly Gamalyýeldir. 21 Onuň
goşunynda hasaba alnanlar otuz iki müň
iki ýüz adamdyr. 22 Onuň gapdalynda
benýamin tiresiniň düşelgesi bolsun.
Benýaminleriň baştutany Gidgonynyň
ogly Abydandyr. 23 Onuň goşunynda
hasaba alnanlar otuz bäş müň dört ýüz
adamdyr. 24 Efraýym düşelgesindäki
goşunyň jemi bir ýüz sekiz müň bir ýüz
adam. Olar ýörişe üçünji bolup çyksynlar.
25 Demirgazyk gapdalynda, öz tugy
astynda dan goşunlarynyň düşelgesi
bolsun. Danlaryň baştutany Emişadaýyň
ogly Ahygezerdir. 26 Onuň goşunynda
hasaba alnanlar altmyş iki müň ýedi ýüz
adamdyr. 27 Onuň ýanynda aşer tiresiniň

düşelgesi bolsun. Aşerleriň baştutany
Okranyň ogly Pagyýeldir. 28 Onuň goşu-
nynda hasaba alnanlar kyrk bir müň bäş
ýüz adamdyr. 29 Onuň gapdalynda naftaly
tiresiniň düşelgesi bolsun. Naftalyla-
ryň baştutany Eýnanyň ogly Ahuradyr.
30 Onuň goşunynda hasaba alnanlar elli
üç müň dört ýüz adamdyr. 31 Dan düşel-
gesindäki goşunyň jemi bir ýüz elli ýedi
müň alty ýüz adam. Olar iň soňky bolup,
hersi öz tugy astynda ýörişe çyksynlar».

32 Ysraýyllaryň uruglaryna görä hasaba
alnanlarynyň jemi şeýledi. Düşelgeler-
däki hasaba alnan goşunyň jemi alty ýüz
üç müň bäş ýüz elli adam boldy. 33 Reb-
biň Musa buýruşy ýaly, lewiler beýleki
ysraýyllaryň arasynda hasaba alynmady.

34 Ysraýyllar edil Rebbiň Musa buýruşy
ýaly etdiler. Olaryň her biri öz tugy as-
tynda ýerleşip, öz urugyna we kowumyna
görä, aýdylan tertipde ýörişe çykdylar.

## 3-nji bap

### *Harunyň ogullary*

1 Rebbiň Sinaý dagynda Musa bilen
gepleşen wagty Harunyň we Musanyň
nesilleri şulardy: 2 Harunyň dört ogly
bardy, olaryň atlary şulardyr: Nadap,
Abyhu, Elgazar we Ytamar. Nadap onuň
nowbahar ogludy. 3 Harunyň ogulla-
ryndan ruhanyçylyga bellenip, bagyş
edilenleri şulardyr. 4 Emma Nadap bi-
len Abyhu Sinaý çölünde mukaddes
bolmadyk ody Rebbiň huzurynda hö-
dür edendikleri üçin öldüler. Olardan
zürýat galmady. Elgazar bilen Ytamar
bolsa atalary Harunyň ýaşan döwründe
ruhany bolup hyzmat etdiler.

### *Lewileriň borçlary*

5 Onsoň Reb Musa şeýle diýdi: 6 «Le-
wi tiresini getir-de, ruhany Harunyň
hyzmatynda goý, olar oňa kömek etsinler.
7 Olar mukaddes çadyryň hyzmatyny
edip, Harun we tutuş halk üçin Rebbe
ýüz tutulýan çadyryň goramak keşigini
çeksinler. 8 Olar ysraýyllaryň hatyrasy-
na mukaddes çadyryň hyzmatyny edip,
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň ähli esbap-
laryna gözegçilik etsinler. 9 Lewileri
Harunyň we onuň nesilleriniň ygtyýa-
ryna ber. Olar ysraýyllaryň arasyndan
Harunyň ygtyýaryna doly berlendir.
10 Haruny we onuň ogullaryny hasaba
al. Ruhanyçylyk wezipesini diňe şolar
ýerine ýetirmelidirler, olardan başga
kim mukaddes çadyra golaýlaşsa, onuň
jezasy ölümdir». 11 Onsoň Reb Musa şeý-
le diýdi: 12 «Men lewileri ysraýyllaryň
nowbahar ogullaryna derek kabul edip
aldym. Lewiler Meniňkidir, 13 çünki
nowbahar ogullaryň bary Maňa degişli-
dir. Müsürde nowbahar ogullary öldüren
günüm, Ysraýylda haýwanu-ynsanyň
ilkinji doglanlarynyň baryny Özüme
bagyş etdim. Olar Meniňkidir. Men
Rebdirin».

### *Musa lewileri hasaba alýar*

14 Soňra Sinaý çölünde Reb Musa: 15 «Le-
wileriň bir aýlyk we ondan ýokary ýaşda
bolan erkek göbeklileriniň hemmesini
uruglaryna we kowumlaryna görä ýazyp
hasaba al» diýdi. 16 Onsoň Musa Rebbiň
sözüne görä olary özüne buýrulyşy ýaly
hasaba aldy. 17 Lewi ogullarynyň atlary
şulardyr: Gerşon, Kohat, Merary. 18 Urug-
laryna görä Gerşonyň ogullarynyň atlary
şulardyr: Libni we Şimgi. 19 Uruglaryna
görä Kohadyň ogullary: Imran, Ýishar,
Hebron we Uzyýel. 20 Uruglaryna görä
Mararynyň ogullary: Mahly we Muşy.
Kowumlaryna görä lewi uruglary şulardyr.

21 Gerşondan libni we şimgi urugla-
ry gelip çykandyr, bularyň ikisi hem

Gerşonyň uruglarydyr. 22Olaryň bir
aýlyk we ondan ýokary ýaşda bolan
erkek göbeklileriniň sany ýedi müň
bäş ýüz adam boldy. 23Gerşon uruglary
mukaddes çadyryň ýeňsesinde, günbatar
gapdalynda çadyr dikmelidiler. 24Gerşon
uruglarynyň baştutany Laýeliň ogly El-
ýasapdy. 25Gerşon ogullary Rebbe ýüz
tutulýan çadyra degişli gorag hyzmatla-
ryndan şulara: mukaddes çadyryň içki
we daşky örtüklerine, çadyryň girelgesi
üçin ýapynja, 26haýadyň perdelerine,
mukaddes çadyryň we gurbanlyk sypa-
synyň daşyndaky haýadyň derwezesiniň
ýapynjasyna, onuň zynjyrlaryna we bula-
ra degişli ähli hyzmatlara jogapkärdirler.

27Kohatdan imram, ýishar, hebron,
uzyýel uruglary gelip çykandyr, bularyň
bary Kohadyň uruglarydyrlar. 28Bularyň
ýaşy bir aýlyk we ondan ýokary bolan
erkek göbeklileriniň sany sekiz müň
alty ýüz boldy. Bular mukaddes zatlary
goramaklyga jogapkärdirler. 29Kohat
uruglary mukaddes çadyryň günor-
ta gapdalynda düşlemelidiler. 30Kohat
uruglarynyň baştutany Uzyýeliň ogly
Elisapandy. 31Olar gorag hyzmatlaryn-
dan şulara: sandyga, hantagta, çyradana,
gurbanlyk sypasyna, mukaddes öýüň
enjamlaryna, ýapynja we bulara degişli
ähli hyzmatlara jogapkärdirler. 32Ruhany
Harunyň ogly Elgazar lewi baştutanla-
rynyň başlygydy we mukaddes zatlara
jogapkärçilik çekýän lewileriň üstünden
garaýardy.

33Merarydan mahly we muşy urug-
lary gelip çykandyr. Bularyň ikisi
hem Merarynyň urugydyr. 34Olaryň
bir aýlyk we ondan ýokary ýaşda bo-
lan erkek göbeklileriniň sany alty müň
iki ýüz boldy. 35Merary uruglarynyň
baştutany Abyhaýyl ogly Suryýeldi.
Olar mukaddes çadyryň demirgazyk
tarapynda düşlemelidiler. 36Merary ogul-
lary mukaddes çadyra degişli gorag
hyzmatlaryndan şulara: onuň çarçuwala-
ryna, taýaklaryna, sütünlerine we olary
saklaýan dabanlara, ähli esbaplaryna we
bulara degişli ähli hyzmatlara jogapkär-
dirler. 37Şeýle hem haýadyň daşyndaky
sütünleriň dabanlary, gazyklary we
zynjyrlary bilen bile olara tabşyryldy.

38Musa bilen Harunyň we onuň ogul-
larynyň düşelgesi gündogar tarapda,
Rebbe ýüz tutulýan öýüň öňünde, ýagny
mukaddes çadyryň girelgesiniň öňünde
bolsun. Olar ysraýyllaryň hatyrasyna
mukaddes öýi goramak keşigini çeker-
ler. Olardan başga kim muňa golaýlaşsa,
onuň jezasy ölümdir. 39Rebbiň buýrugy-
na görä, Musa bilen Harunyň uruglaryna
görä hasaba alan, bir aýlyk we ondan
ýokary ýaşda bolan lewileriň erkek gö-
beklileriniň sany ýigrimi iki müň boldy.

### *Ysraýylyň nowbahar ogullary yzyna satyn alynýar*

40Soňra Reb Musa şeýle diýdi: «Ysra-
ýylyň bir aýlyk we ondan ýokary ýaşda
bolan ähli nowbahar ogullaryny ýeke-
me-ýeke sana we ýazga geçir. 41Olaryň
deregine lewileri Men–Reb üçin kabul
et, olaryň mallaryny bolsa ysraýyllaryň
ilkinji doglan mallarynyň öwezine ka-
bul et». 42Şeýdip, Musa Rebbiň özüne
buýruşy ýaly, ysraýyllaryň nowbahar
ogullarynyň ählisini hasaba aldy. 43Atla-
ry bilen hasaba alnan bir aýlyk we ondan
ýokary ýaşda bolan erkek göbeklileriň
jemi sany ýigrimi iki müň iki ýüz ýet-
miş üç boldy.

44Onsoň Reb Musa şeýle diýdi: 45«Ysra-
ýyllaryň nowbahar ogullarynyň deregine
lewileri, mallarynyň deregine bolsa
lewileriň mallaryny kabul et. Lewiler
Meniňkidir, Men Rebdirin. 46Ysraýylyň

nowbahar ogullary lewilere garanda
iki ýüz ýetmiş üç adam artykmaç bol-
dy. Olary satyn almak üçin, [47]adam
başyna mukaddes öýüň resmi ölçegi
boýunça bäş şekel kümüş al. Bir şekel
iki mysgala[a] deňdir. [48]Lewileriň sanyn-
dan artykmaçlary satyn almaga tölenen
puly Haruna we onuň ogullaryna ber».
[49]Şeýdip, Musa lewileriň sanyndan artyk
bolanlaryň öwezine töleg pullaryny aldy.
[50]Ysraýylyň nowbahar ogullaryndan
mukaddes öýüň resmi ölçegi bilen ol
bir put[b] kümüş aldy. [51]Onsoň Rebbiň
buýrup aýdyşy ýaly, Musa töleg pulla-
ryny Haruna we onuň ogullaryna berdi.

## 4-nji bap

### *Lewi uruglarynyň borçlary*

[1]Reb Musa bilen Haruna şeýle diý-
di: [2]«Beýleki lewilerden aýratynlykda,
uruglaryna we kowumlaryna görä ko-
hatlaryň [3]Rebbe ýüz tutulýan çadyrda
işlemäge ýarawly, otuz ýaşdan elli ýaşa
çenli bolanlarynyň hemmesini hasaba al.

[4]Kohatlaryň Rebbe ýüz tutulýan çadyr-
da ýerine ýetirmeli hyzmaty iň mukaddes
zatlar bilen baglanyşyklydyr. [5]Düşelge
göçmeli bolanda, Harun we onuň ogulla-
ry çadyra girip, iň mukaddes otagy bölüp
duran tutyny aýyrsynlar we onuň bilen
Äht sandygyny basyrsynlar. [6]Onuň üstü-
ni saýlama deriden edilen ýapynja bilen
ýapyp, üstüne gök keteni çeksinler we
sandygyň syryklaryny ýerine goýsunlar.
[7]Hödür çörekleri goýulýan hantagtanyň
üstüne gök keteni ýazyp, onuň üstünde
tabaklary we jamlary, içgi sadakasy üçin
küýzeleri we şakäseleri goýsunlar. He-
mişelik çörek hem onuň üstünde bolsun.
[8]Soňra olaryň üstünden gyrmyzy mata
ýapyp, ony hem saýlama deriden edi-
len ýapynja bilen basyrsynlar we onuň
syryklaryny ýerine oturtsynlar. [9]Çyra-
dany, onuň çyralaryny, müçeneklerini,
nowalaryny we zeýtun ýagy salynýan
ähli gaplaryny gök keteni bilen basyr-
synlar. [10]Onsoň ähli enjamlary bilen
bilelikde ony saýlama deriden edilen ýa-
pynja bilen basyryp, zemmeriň üstünde
goýsunlar. [11]Altyndan edilen sypanyň
üstüne gök keteni ýapyp, ony saýlama
deriden edilen ýapynja bilen basyrsynlar
we onuň syryklaryny ýerine oturtsynlar.
[12]Mukaddes öýde ybadat edilende ula-
nylýan ähli enjamlary alyp, olary gök
ketenä dolasynlar we saýlama deriden
edilen ýapynja bilen basyrsynlar. On-
soň olary zemmeriň üstünde goýsunlar.
[13]Gurbanlyk sypasynyň üstünden küli
aýryp, üstüne gyrmyzy matany ýapsyn-
lar. [14]Onuň üstüne gurbanlyk sypasynyň
ähli enjamlaryny, ýagny ybadat edilende
ulanylýan maňňallary, çarşaklary, kül
atarlary, legenleri goýup, üstüne saýlama
deriden edilen ýapynjany ýapsynlar we
syryklaryny ýerine oturtsynlar. [15]Dü-
şelge göçmeli bolanda, Harun we onuň
ogullary mukaddes öýi we onuň ähli es-
baplaryny basyryp bolansoňlar, kohatlar
bulary götermäge gelerler. Ýöne olar mu-
kaddes zatlara galtaşmasynlar, ýogsam
ölerler. Ine, kohatlaryň çadyrdaky göter-
jek zatlary şulardyr. [16]Ruhany Harunyň
ogly Elgazara çyra ýagyna, ýakymly ysly
tütetgä, adaty galla sadakasyna we mesh
ýagyna gözegçilik etmek tabşyrylsyn.
Şeýle hem oňa tutuş mukaddes çadyr we
onuň içindäki ähli enjamlary, mukaddes
otag we onuň enjamlary tabşyrylsyn».

---

[a] **3:47** ***Iki mysgal*** – ýewreýçe *ýigrimi gera*. Bu takm. 10 gr deňdir.
[b] **3:50** ***Bir put*** – ýewreýçe *bir müň üç ýüz altmyş bäş şekel*. Bu takm. 15,5 kg deňdir.

17 Onsoň Reb Musa bilen Haruna şeýle
diýdi: 18 «Lewileriň arasynda kohat uru-
gynyň ýok bolup gitmegine ýol bermäň.
19 Olar iň mukaddes zatlara galtaşanla-
rynda ölmän aman galarlary ýaly, siz
şeýle ediň: Harun we onuň ogullary
içeri girip, kohatlaryň hersiniň ýerine
ýetirmeli hyzmatyny ýa-da göterme-
li ýüküni görkezsin. 20 Emma kohatlar
mukaddes zatlara sähel salymlyk hem
seretmeli däldirler, ýogsam olar ölerler».
21 Soňra Reb Musa şeýle diýdi:
22-23 «Uruglaryna we kowumlaryna
görä gerşonlaryň Rebbe ýüz tutulýan
çadyrda işlemäge ýarawly, otuz ýaşdan
elli ýaşa çenli bolanlarynyň hemmesini
ýazyp hasaba al. 24 Gerşon uruglarynyň
etmeli işleri we daşamaly ýükleri şula-
rdan ybarat: 25 olar mukaddes çadyryň
tutularyny, Rebbe ýüz tutulýan çadyry
we onuň ýapynjasyny, onuň saýlama
deriden edilen daşky ýapynjasyny we
girelgesindäki perdäni, 26 haýadyň perde-
lerini, mukaddes çadyryň we gurbanlyk
sypasynyň daşyndaky haýadyň derweze-
siniň ýapynjasyny we onuň zynjyrlaryny,
olara degişli ähli esbaplary götersinler.
Bu zatlar bilen baglanyşykly işleriň
hemmesini etsinler. 27 Ýük daşamagy we
başga işleri – ähli hyzmatlary gerşonlar
Harunyň we onuň ogullarynyň buýrugy
esasynda bitirsinler. Göterýän zatlaryny
goramaklyga olary borçly ediň. 28 Ruha-
ny Harunyň ogly Ytamaryň gözegçiligi
astynda gerşonlaryň Rebbe ýüz tutulýan
çadyr bilen baglanyşykly etmeli işleri
we gorag wezipeleri, ine, şulardyr.
29-30 Indi bolsa uruglaryna we ko-
wumlaryna görä merarylary Rebbe ýüz
tutulýan çadyrda işlemäge ýarawly otuz
ýaşdan elli ýaşa çenli bolanlarynyň hem-
mesini ýazga geçir. 31 Rebbe ýüz tutulýan
çadyrda hyzmat etmek bilen olaryň
götermeli we goramaly zatlary şular-
dyr: mukaddes çadyryň çarçuwalary,
taýaklary, sütünleri we olary saklaýan
dabanlary, 32 haýadyň sütünleri we da-
banlary, gazyklary, zynjyrlary, olara
degişli ähli enjamlar. Olaryň göterme-
li zatlaryny atma-at sanap tabşyryň.
33 Ruhany Harunyň ogly Ytamaryň gö-
zegçiligi astynda merarylaryň Rebbe ýüz
tutulýan çadyr bilen baglanyşykly etmeli
işleri, ine, şulardyr». 34 Onsoň Musa bilen
Harun we halkyň ýolbaşçylary urugla-
ryna we kowumlaryna görä kohatlary
ýazga geçirdiler. 35 Rebbe ýüz tutulýan
çadyrda işlemäge ýarawly otuz ýaşdan
elli ýaşa çenli bolanlarynyň 36 uruglaryna
görä hasaba alnany iki müň ýedi ýüz elli
adam boldy. 37 Bu Rebbe ýüz tutulýan
çadyrda hyzmat eden ähli kohatlaryň
uruglarynyň baş sanydyr. Rebbiň Musa-
nyň üsti bilen buýruşy ýaly, olary Musa
bilen Harun hasaba aldy. 38 Uruglaryna
we kowumlaryna görä hasaba alnan
gerşonlaryň sany şudur: 39 Rebbe ýüz
tutulýan çadyrda işlemäge ýarawly otuz
ýaşdan elli ýaşa çenli bolanlary 40 urug-
laryna we kowumlaryna görä iki müň
alty ýüz otuz adam boldy. 41 Bu Rebbe
ýüz tutulýan çadyrda hyzmat eden ähli
gerşonlaryň uruglarynyň baş sanydyr.
Rebbiň buýruşy ýaly, olary Musa bilen
Harun hasaba aldy. 42 Uruglaryna we
kowumlaryna görä, meraryların sany
şudur: 43 Rebbe ýüz tutulýan çadyrda
işlemäge ýarawly otuz ýaşdan elli ýa-
şa çenli bolanlary 44 uruglaryna görä
jemi üç müň iki ýüz adam boldy. 45 Bu
Rebbe ýüz tutulýan çadyrda hyzmat
eden ähli meraryların uruglarynyň baş
sanydyr. Rebbiň Musanyň üsti bilen
buýruşy ýaly, olary Musa bilen Harun
hasaba aldy. 46 Musa bilen Harunyň we
ysraýyl ýolbaşçylarynyň uruglaryna we

kowumlaryna görä hasaba alan, [47]Rebbe
ýüz tutulýan çadyrda işlemäge we ýük
götermäge ýarawly, otuz ýaşdan elli ýaşa
çenli bolan [48]lewileri sekiz müň bäş ýüz
segsen adam boldy. [49]Rebbiň Musanyň
üsti bilen beren buýrugyna görä, her bir
adamyň ýerine ýetirmeli işi we götermeli
ýüki belli edildi. Rebbiň buýruşy ýaly,
olar Musa tarapyndan hasaba alyndylar.

## 5-nji bap

### *Düşelgäni tämiz saklamak*

[1]Reb Musa şeýle diýdi: [2]«Ysraýyllara
buýruk ber: ýokançly deri we akma ke-
sellini ýa-da ölä galtaşyp haram bolany,
[3]erkek kişimi ýa aýal parhy ýok, Ysraýyl
düşelgesini harama çykarmaz ýaly, dü-
şelgeden hökman çykaryň, çünki olaryň
arasynda Men ýaşaýaryn». [4]Ysraýyl-
lar şeýle hem etdiler, olary düşelgeden
çykardylar. Rebbiň Musa diýenleriniň
ählisini ysraýyllar berjaý etdiler.

### *Günäniň öwezini dolmak*

[5]Reb Musa şeýle diýdi: [6]«Ysraýyllara
aýt: eger erkek ýa-da aýal bir adamyň
garşysyna günä etse we Rebbe dönüklik
edip, günä gazansa, [7]ol eden günäsini
boýun alsyn we günäsi üçin öwezlik tö-
legini tölesin. Ýene onuň üstüne öwezlik
tölegiň bäşden bir bölegini goşup, jebir
çeken kişä bersin. [8]Eger jebir çeken ölse
we hun almaga hossary bolmasa, onda
edilen günä üçin tölenen hun Rebbe
bagyş edilip, ruhana berilsin. Bu günä-
käriň günäsini saplamak üçin üstesine
goç hem berilsin. [9]Ysraýyllaryň ähli
mukaddes sadakalarynyň arasyndan
getirilen her bir sadaka ruhanyňkydyr.
[10]Hemmäniň berýän mukaddes sada-
kalary ruhanyňkydyr, kim näme berse
ruhanyňkydyr».

### *Biwepa aýal hakynda*

[11]Reb Musa şeýle diýdi: [12]«Ysraýylla-
ra aýt: eger biriniň aýaly ters ýola düşüp,
biwepalyk etse, [13]başga bir adam bilen
ýatyp, muny äri bilmese, şeýdibem, aýal
günäli bolsa-da, aýyby äşgär bolmasa,
garşysyna şaýat tapylmasa we ol bu iş
üstünde tutulmasa, [14]äri bolsa was-was
keseline uçrap, günäli aýalyna müňkür
bolsa ýa-da aýaly günäli bolmasa-da oňa
müňkürlik etse, [15]onda äri aýalyny ru-
hanynyň ýanyna alyp gelsin. Aýaly üçin
berilmeli sadakany, ýagny bir batmanyň
ondan biri arpa ununy getirsin. Munuň
müňkürlik galla sadakasydygy, ýagny
etmişi äşgär edýän sadakadygy üçin, unuň
üstüne zeýtun ýagy guýulmasyn, onuň üs-
tüne ýakymly ysly tütetgi-de goýulmasyn.
[16]Onsoň ruhany ol aýaly getirip, Rebbiň
huzurynda duruzsyn. [17]Ruhany mukad-
des suwdan toýun gaba guýup alsyn we
mukaddes çadyryň içinden toprak alyp,
suwa guýsun. [18]Ruhany ol aýaly Rebbiň
huzurynda durzup, onuň saçyny ýaýsyn
we onuň goşawujyna müňkürlik sada-
kasyny, ýagny etmişi ýatladyp durýan
aýyplama sadakasyny guýsun. Ruhany
öz elinde nälet getirjek ajylyk suwuny
saklasyn. [19]Ruhany aýala kasam içirip
şeýle diýsin: „Eger sen başga bir adam
bilen ýatmadyk bolsaň, öz äriňiň ygty-
ýaryndakaň günä etmedik bolsaň, onda
nälet getirýän bu ajylyk suwy saňa zeper
ýetirmesin“. [20-21]Ruhany aýala nälet anty-
ny içirip şeýle diýsin: „Emma sen öz äriňiň
ygtyýaryndakaň ters ýola düşüp, günäli
bolsaň we başga adam bilen ýatan bolsaň,
Reb seni Öz halkyňyň arasynda ýigrenje
we gargyşa sezewar etsin. Goý, Reb seniň
uýat ýeriňi guratsyn, garnyň çişip gitsin.
[22]Bu nälet getirýän suw seniň içiňe ornap,
garnyňy çişirsin, uýat ýeriňi guratsyn!“

Aýal hem „Omyn. Omyn“ diýsin. 23On-
soň ruhany bu nälet sözlerini ýazyp,
ony ajylyk suwunda ýuwsun. 24Nälet
getirýän ajylyk suwuny aýala içirmeli.
Nälet getirýän ajylyk suwy aýalyň içine
ornap, güýçli agyry döreder. 25Ruhany
müňkürlik sadakasyny aýalyň elinden
alyp, ony Rebbiň huzurynda ýokary
galdyrsyn we gurbanlyk sypasyna alyp
gelsin. 26Onsoň ruhany Rebbiň ýoluna
berilýän paý hökmünde galla sadakasyn-
dan bir goşawujyny alyp, ony gurbanlyk
sypasynda ýaksyn. Soňra aýala suwy
içirsin. 27Aýala suwy içirenden soň, eger
aýal günäli bolup, ärine biwepalyk eden
bolsa, nälet getirýän suw onuň içine
ornap, güýçli agyry döreder. Ol aýalyň
uýat ýeri gurar, garny çişer. 28Emma aýal
günäli bolman tämiz bolsa, oňa hiç hili
zeper etmez we ýene-de çaga dogrup
biler. 29Aýal öz äriniň ygtyýaryndaka
ters ýola düşüp, özüniň günälidigine
müňkür bolan ýagdaýynda kanun şu-
dur. 30Ýa-da äri was-was keseline uçrap,
aýalyna müňkürlik edip başlasa, onda
ol aýalyny Rebbiň huzuryna getirsin we
ruhany ol aýal babatda bu kanuny ulan-
syn. 31Äri ýazykly bolmaz, emma aýaly
welin eden günäsi üçin jezasyny çeksin».

## 6-njy bap

### *Nazyrlyk düzgüni*

1Reb Musa şeýle diýdi: 2«Ysraýyllara
aýt: eger erkek ýa aýal nazyr bolmaga
kasam içip, özüni Rebbe bagyş etse, 3on-
da ol şerapdan we çakyrdan datmasyn.
Şerap sirkesini-de, başga sirke-de ulan-
masyn, üzüm şerbedini-de içmesin, ter
üzüm-de, kişmiş-de iýmesin. 4Nazyrlyk
döwrüniň bütin dowamynda üzümden
öndürilen hiç bir zady, hatda üzümiň ga-
bygyny ýa dänesini-de agzyna almasyn.
5Nazyr bolmaga kasam içen döwrüniň
bütin dowamynda onuň kellesine hiç
bir päki degmesin, özüni Rebbe bagyş
eden günleri gutarýança, nazyr bolan
adam mukaddesdir, ol saçyny ösdürsin.
6-7Onuň saçy Rebbe bagyş edilendiginiň
nyşanydyr. Özüni Rebbe bagyş eden
günlerinde ol jesede golaýlaşmasyn. Hat-
da onuň atasy ýa enesi, dogany ýa uýasy
öläýende-de, ol özüni haram etmesin.
8Nazyrlyk döwrüniň bütin dowamynda
bu adam Rebbe bagyş edilen adamdyr.
9Eger gapdalyndakylaryň biri duý-
dansyzlykda ölüp, nazyryň mukaddes
saçyny haram etse, onda ol tämizlenilýän
gün bolan ýedinji güni saçyny syrsyn.
10Sekizinji gün ol iki gumryny ýa-da
iki kepderi çagasyny getirip, Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň girelgesinde ruhana
bersin. 11Ruhany olaryň birini günä
gurbanlygy, beýlekisini bolsa ýakma
gurbanlygy hökmünde hödür edip, nazy-
ry günäsinden saplasyn, çünki ol jesede
golaýlaşandygy zerarly ýazykly bolupdy.
Nazyr şol günüň özünde saçyny täzeden
bagyş etsin. 12Ol nazyrlyga täzeden baş-
lamak üçin, özüni Rebbe bagyş etsin we
ýazyk gurbanlygy hökmünde birýaşar
erkek tokly getirsin. Çünki mukaddes
edilen saçyň haram bolandygy üçin,
öňki günler hasap edilmeýär.
13Nazyrlyk möhleti gutaranda, nazyr-
lar üçin şu düzgüni berjaý etsinler: ony
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň girelgesine
getirsinler. 14Ol Rebbe öz peşgeşini hö-
dür etsin, birýaşar şikessiz erkek toklyny
ýakma gurbanlygy hökmünde, birýaşar
şikessiz urkaçy toklyny günä gurbanlygy
hökmünde, şikessiz bir goçy bolsa sala-
matlyk gurbanlygy hökmünde hödür etsin.
15Bir sebet petiri, saýlama bugdaý unun-
dan zeýtun ýagyna ýugrulan külçeleri,
ýüzüne zeýtun ýagy çalnan çelpekleri,

olar bilen bile galla we içgi sadakasyny
bersin. [16]Ruhany bulary Rebbiň huzu-
rynda hödür etsin, olaryň günä hem-de
ýakma gurbanlygyny-da hödür etsin. [17]Bir
sebet petir bilen goçy salamatlyk gurban-
lygy hökmünde hödür etsin. Şeýle hem
ruhany galla hem içgi sadakasyny-da
hödür etsin. [18]Soňra nazyr Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň girelgesinde, Rebbe
bagyş edilen saçyny syryp, salamatlyk
gurbanlygynyň aşagynda ýanyp duran
oda taşlasyn. [19]Nazyr Rebbe bagyş edi-
len saçyny syryp bolansoň, ruhany goçuň
gaýnan bir buduny, sebetden bir petiri we
ýüzüne zeýtun ýagy çalnan bir çelpegi
alyp, olary nazyryň eline bersin. [20]Onsoň
ruhany göterme sadakasy hökmünde ola-
ry Rebbiň huzurynda ýokary galdyrsyn.
Göterme sadaka hökmünde döş hem,
üwreme sadaka hökmünde but hem ruha-
ny üçin mukaddes paýdyr. Şondan soňra
nazyr bolan adam şerap içip biler. [21]Ine,
kasam içip, nazyr bolandygy we onuň
Rebbe bagyş edilendigi üçin berilýän na-
zyrlyk gurbanlyklary hakyndaky düzgün
şulardan ybaratdyr. Eger ol nazyrlyk kasa-
mynyň talap edýän zatlaryndan başga-da
sadaka bermegi wada beren bolsa, onda
beren wadasyny doly berjaý etsin».

### *Ruhany patasy*

[22]Reb Musa şeýle diýdi: [23]«Haruna we
onuň ogullaryna aýt, ysraýyllara pata
bersinler. Siz olara şeýle diýiň:

[24] „Goý, Reb sizi ýalkap, Öz
penasynda saklasyn!
[25] Reb güler ýüzi bilen baksyn, size
merhemet etsin!
[26] Reb size nazaryny salyp,
salamatlyk bersin!

[27]Şeýdip, Harun we onuň ogullary
ysraýyllara Meniň adym bilen pata ber-
sinler, Men hem olary ýalkaryn“».

## 7-nji bap

### *Baştutanlar sadakalaryny getirýärler*

[1]Musa mukaddes çadyry dikip bo-
lup, içiniň ähli esbaplary bilen birlikde
onuň üstüne ýag sepeläp mukaddes etdi.
Gurbanlyk sypasyny-da onuň ähli en-
jamlary bilen birlikde onuň üstüne ýag
sepeläp mukaddes etdi. [2-3]Şondan soň
ilat sanawyna ýolbaşçylyk eden ysraýyl
baştutanlary, ýagny urugbaşylary we
tirebaşylary öz sadakalaryny Rebbiň
huzuryna getirdiler. Olar alty sany üsti
örtülgi araba bilen on iki öküzi – her iki
baştutan üçin bir araba we her baştutan
üçin bir öküzi mukaddes çadyryň öňüne
getirdiler. [4]Onsoň Reb Musa şeýle diý-
di: [5]«Olaryň sadakalaryny kabul edip
al, Rebbe ýüz tutulýan çadyrda edilýän
işler üçin gerek bolar. Olary lewilere her
biriniň bitirýän işlerine görä ber». [6]Musa
arabalary we öküzleri getirip, lewilere
berdi. [7]Ol edýän işlerine görä iki araba
bilen dört öküzi gerşonlara berdi. [8]Dört
araba bilen sekiz öküzi bolsa edýän işle-
rine görä merarylara berdi. Olar ruhany
Harunyň ogly Ytamaryň ýolbaşçylygy
astynda işleýärdiler. [9]Emma ol kohatlara
hiç zat bermedi, çünki olaryň wezipesi
mukaddes zatlary eginlerinde daşamakdy.
[10]Gurbanlyk sypasynyň üstüne ýag
sepeläp, mukaddes edilenden soň,
baştutanlar hem onuň bagyş ediliş da-
barasyna sadakalar hödürlediler. Olar
öz sadakalaryny gurbanlyk sypasynyň
öňüne getirdiler. [11]Reb Musa: «Gur-
banlyk sypasynyň bagyş edilişine her
gün bir baştutan öz sadakalaryny hödür
etsin» diýdi.
[12]Birinji gün ýahuda tiresinden Emi-
nadabyň ogly Nahşon sadakalaryny
hödür etdi. [13]Onuň sadakalary şulardan

ybaratdy: Mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal [a] bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal [b]
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 14 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal [ç]
bolan altyn jam. 15 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 16 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
17 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş sany bir-
ýaşar erkek tokly. Ine, şular Eminadabyň
ogly Nahşonyň sadakalarydy.

18 Ikinji gün ysakarlaryň baştutany
Sugaryň ogly Netanel sadakalaryny
hödür etdi. 19 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 20 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 21 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 22 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
23 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş sany
birýaşar erkek tokly. Ine, şular Sugaryň
ogly Netaneliň sadakalarydy.

24 Üçünji gün zebulunlaryň baştutany
Helonyň ogly Eliýap sadakalaryny hö-
dür etdi. 25 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen gary-
lan saýlama bugdaý undan doludy. 26 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 27 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 28 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
29 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş sany
birýaşar erkek tokly. Ine, şular Helonyň
ogly Eliýabyň sadakalarydy.

30 Dördünji gün rubenleriň baştutany
Şedeýuryň ogly Elisur sadakalaryny
hödür etdi. 31 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 32 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 33 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 34 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
35 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş sany bir-
ýaşar erkek tokly. Ine, şular Şedeýuryň
ogly Elisuryň sadakalarydy.

36 Bäşinji gün şimgonlaryň baştutany
Suryşadaýyň ogly Şelumyýel sadaka-
laryny hödür etdi. 37 Onuň sadakalary
şulardan ybaratdy: mukaddes öýüň resmi
ölçegi bilen agramy üç ýüz elli mysgal
bolan kümüş tabak, agramy ýüz elli
mysgal bolan kümüş legen. Olaryň iki-
sem galla sadakasy üçin zeýtun ýagy
bilen garylan saýlama bugdaý unundan
doludy. 38 Içi tütetgiden doly, agramy
ýigrimi mysgal bolan altyn jam. 39 Ýak-
ma gurbanlygy üçin bir öküzçe, bir goç,
birýaşar erkek tokly. 40 Günä gurbanlygy

---

[a] **7:13** ***Üç ýüz elli mysgal*** – ýewreýçe *ýüz otuz şekel*. Bu takm. 1,5 kg deňdir.
[b] **7:13** ***Ýüz elli mysgal*** – ýewreýçe *ýetmiş şekel*. Bu takm. 800 gr deňdir.
[ç] **7:14** ***Ýigrimi mysgal*** – ýewreýçe *on şekel*. Bu takm. 110 gr deňdir.

üçin bir teke. 41 Salamatlyk gurbanlygy
üçin hem iki öküz, bäş goç, bäş teke we
bäş birýaşar erkek tokly. Ine, şular Sury-
şadaýyň ogly Şelumyýeliň sadakalarydy.

42 Altynjy gün gatlaryň baştutany De-
guwalyň ogly Elýasap sadakalaryny
hödür etdi. 43 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 44 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 45 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 46 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
47 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş birýaşar
erkek tokly. Ine, şular Deguwalyň ogly
Elýasabyň sadakalarydy.

48 Ýedinji gün efraýymlaryň baştutany
Emihudyň ogly Elişama sadakalaryny
hödür etdi. 49 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 50 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 51 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 52 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
53 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş birýaşar
erkek tokly. Ine, şular Emihudyň ogly
Elişamanyň sadakalarydy.

54 Sekizinji gün manaşalaryň baştutany
Pedahsuryň ogly Gamlyýel sadakalaryny
hödür etdi. 55 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 56 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 57 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 58 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
59 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş birýaşar
erkek tokly. Ine, şular Pedahsuryň ogly
Gamlyýeliň sadakalarydy.

60 Dokuzynjy gün benýaminleriň
baştutany Gidgonynyň ogly Abydan
sadakalaryny hödür etdi. 61 Onuň sadaka-
lary şulardan ybaratdy: mukaddes öýüň
resmi ölçegi bilen agramy üç ýüz elli
mysgal bolan kümüş tabak, agramy ýüz
elli mysgal bolan kümüş legen. Olaryň
ikisem galla sadakasy üçin zeýtun ýagy
bilen garylan saýlama bugdaý unundan
doludy. 62 Içi tütetgiden doly, agramy
ýigrimi mysgal bolan altyn jam. 63 Ýak-
ma gurbanlygy üçin bir öküzçe, bir goç,
birýaşar erkek tokly. 64 Günä gurbanlygy
üçin bir teke. 65 Salamatlyk gurbanlygy
üçin hem iki öküz, bäş goç, bäş teke we
bäş birýaşar erkek tokly. Ine, şular Gid-
gonynyň ogly Abydanyň sadakalarydy.

66 Onunjy gün danlaryň baştutany Emi-
şadaýyň ogly Ahygezer sadakalaryny
hödür etdi. 67 Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. 68 Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. 69 Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. 70 Günä gurbanlygy üçin bir teke.
71 Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki

öküz, bäş goç, bäş teke we bäş sany
birýaşar erkek tokly. Ine, şular Emişa-
daýyň ogly Ahygezeriň sadakalarydy.
[72]On birinji gün aşerleriň baştutany
Okranyň ogly Pagyýel sadakalaryny
hödür etdi. [73]Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. [74]Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. [75]Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. [76]Günä gurbanlygy üçin bir teke.
[77]Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş birýaşar
erkek tokly. Ine, şular Okranyň ogly
Pagyýeliň sadakalarydy.
[78]On ikinji gün naftalylaryň baştuta-
ny Eýnanyň ogly Ahura sadakalaryny
hödür etdi. [79]Onuň sadakalary şulardan
ybaratdy: Mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen agramy üç ýüz elli mysgal bolan
kümüş tabak, agramy ýüz elli mysgal
bolan kümüş legen. Olaryň ikisem galla
sadakasy üçin zeýtun ýagy bilen garylan
saýlama bugdaý unundan doludy. [80]Içi
tütetgiden doly, agramy ýigrimi mysgal
bolan altyn jam. [81]Ýakma gurbanlygy
üçin bir öküzçe, bir goç, birýaşar erkek
tokly. [82]Günä gurbanlygy üçin bir teke.
[83]Salamatlyk gurbanlygy üçin hem iki
öküz, bäş goç, bäş teke we bäş birýaşar
erkek tokly. Ine, şular Eýnanyň ogly
Ahuranyň sadakalarydy.
[84]Gurbanlyk sypasynyň üstüne ýag se-
peläp, mukaddes edilenden soň, ysraýyl
baştutanlarynyň onuň bagyş ediliş da-
barasyna hödür eden sadakalary, ine,
şulardan ybaratdy: on iki kümüş tabak,
on iki kümüş legen we on iki altyn jam.
[85]Her kümüş tabagyň agramy üç ýüz elli
mysgaldy we her kümüş legeniň agramy
ýüz elli mysgaldy. Ähli kümüş gaplaryň
agramy mukaddes öýüň resmi ölçegi bi-
len alty müň mysgaldy[a]. [86]Içi tütetgiden
doly, her biriniň agramy ýigrimi mysgal
bolan on iki sany altyn kepjäniň jemi
agramy mukaddes öýüň resmi ölçegi
bilen iki ýüz kyrk mysgaldy[b]. [87]Ýakma
gurbanlygy üçin ýanynyň galla sadakasy
bilen bagyş edilen mallaryň sany on iki
öküz, on iki goç, on iki birýaşar erkek
tokly we günä gurbanlygy üçin on iki
teke boldy. [88]Salamatlyk gurbanlygy
üçin bagyş edilen mallaryň jemi sany:
ýigrimi dört öküz, altmyş goç, altmyş
teke we altmyş birýaşar erkek tokly
boldy. Bular gurbanlyk sypasyna ýag
sepeläp, mukaddes edilenden soň, onuň
bagyş ediliş dabarasyna hödür edilen
sadakalardyr.
[89]Musa Reb bilen gepleşmek üçin,
Rebbe ýüz tutulýan çadyra girende, iki
kerubyň[ç] arasyndan gelýän sesi eşid-
ýärdi. Bu iki kerup Äht sandygynyň
gapagynyň üstündedi. Şeýdip, Reb Musa
bilen gepleşerdi.

## 8-nji bap

### *Harun çyralary ýerleşdirýär*

[1]Reb Musa şeýle diýdi: [2]«Haruna aýt:
ol çyralary çyradana oturdanda, olaryň
ýagtysy çyradanyň öňüne düşer ýaly
edip oturtsyn». [3]Harun şeýle hem etdi.

[a] **7:85** ***Alty müň mysgal*** – ýewreýçe *iki müň dört ýüz şekel*. Bu takm. 28 kg deňdir.
[b] **7:86** ***Iki ýüz kyrk mysgal*** – ýewreýçe *ýüz ýigrimi şekel*. Bu takm. 1,3 kg deňdir.
[ç] **7:89** ***Kerup*** – perişdeleriň bir görnüşi. Sözlüge seret.

Rebbiň Musa buýruşy ýaly, ol çyralary
çyradanyň öňüne ýagty saçar ýaly edip
ýerleşdirdi. 4Çyradanyň gurluşy şeýledi:
aýagyndan tä çyra oturdylýan güllerine
çenli döwme sap altyndan ýasalandy.
Harun çyradany Rebbiň Musa görkezen
nusgasy boýunça ýasady.

### *Lewiler Rebbe bagyş edilýär*

5Reb Musa şeýle diýdi: 6«Ysraýylla-
ryň arasyndan lewileri bölüp aýyr-da,
olary tämizle. 7Olary tämizlemek üçin
şeýle et: olaryň üstüne tämizlik suwu-
ny sepele, onsoň olar bedenindäki ähli
tüýleri syrsynlar, eşiklerini ýuwsunlar,
şeýdip, özlerini tämizlesinler. 8Soňra
olar bir öküzçe bilen galla sadakasy
üçin zeýtun ýagyna garylan saýlama
bugdaý ununy alsynlar. Sen hem günä
gurbanlygy üçin bir öküzçe al. 9Onsoň
lewileri Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
öňüne getirip, bütin ysraýyl jemagatyny
ýygna. 10Lewileri Rebbiň huzuryna geti-
ren mahalyň ysraýyllar ellerini lewileriň
kellesine goýsunlar. 11Harun lewileri
ysraýyllaryň berýän göterme sadakasy
hökmünde Rebbe bagyş etsin. Şonda
olar Rebbiň hyzmatyny edip bilerler.
12Onsoň lewiler ellerini öküzçeleriň
kellesine goýsunlar. Olaryň birini günä
gurbanlygy üçin, beýlekisini-de lewileri
günäsinden saplamak üçin, ýakma gur-
banlygy hökmünde Rebbe bagyş etsinler.
13Soňra lewileri Harunyň ogullarynyň
öňünde durzup, olary Rebbe bagyş et.

14Şeýdip, sen lewileri ysraýyllaryň
arasyndan saýlap alarsyň, indi olar Reb-
biňki bolarlar. 15Sen lewileri tämizläp,
olary Rebbe bagyş edeniňden soň, olar
Rebbe ýüz tutulýan çadyrda hyzmat
etmek üçin içeri girip bilerler. 16Çünki
ysraýyllaryň arasynda olar indi bütinleý
Rebbe degişlidirler. Reb lewileri ähli
ysraýyl aýallarynyň ilkinji dogran ogul-
larynyň öwezine Özüne aldy. 17Çünki
ysraýyllaryň arasynda haýwan bolsun,
ynsan bolsun parhy ýok, ilkinji doglanlar
Rebbiňkidir. Müsür ýurdunda nowbahar
ogullary gyran güni, Reb olary Özüne
bagyş etdi. 18Ol lewileri bolsa ysra-
ýylyň nowbahar ogullarynyň öwezine
tutuşlygyna Özüne aldy. 19Onuň üstesi-
ne-de, Ol ysraýyllardan lewileri Haruna
we onuň ogullaryna peşgeş hökmünde
berdi. Çünki lewiler ysraýyllara derek
Rebbe ýüz tutulýan öýde işleýändikleri
üçin, ysraýyllary günälerinden saplarlar.
Lewiler ysraýyllary mukaddes zatlara
has golaý gelmekden gorarlar, ýogsam
ysraýyllar heläk bolarlar».

20Musa bilen Harun we bütin ysraýyl
halky lewiler üçin aýdylan zatlary et-
diler. Ysraýyllar Rebbiň lewiler hakda
Musa buýranlarynyň baryny berjaý
etdiler. 21Lewiler özlerini tämizläp, eşik-
lerini ýuwdular. Onsoň Harun olary
göterme sadakasy hökmünde Rebbiň
huzurynda hödür etdi we tämizlemek
üçin, olary günälerinden saplady. 22Şon-
dan soňra lewiler Harunyň we onuň
ogullarynyň ygtyýarlygynda Rebbe
ýüz tutulýan çadyra hyzmat etmäge
girdiler. Olar lewiler hakda edil Rebbiň
Musa buýruşy ýaly hem etdiler. 23Reb
Musa şeýle diýdi: 24«Lewilere degiş-
li düzgün şeýledir: ýaşy ýigrimi bäş
we ondan ýokary bolanlar Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň hyzmatyny etmelidir-
ler. 25Elli ýaşdan soň olar hyzmatdan
boşadylmalydyrlar we mundan beýläk
gulluk etmeli däldirler. 26Olar Rebbe
ýüz tutulýan çadyry goramak keşigini
çekýän öz lewi doganlaryna kömek
edip bilerler. Ine, sen şeýdip, lewileriň
ýerine ýetirýän borçlaryny şunuň ýaly
kadalaşdyrgyn».

## 9-njy bap

### *Pesah baýramy*

[1] Ysraýyllaryň Müsürden çykanlaryn-
dan soňky ikinji ýylyň birinji aýynda[a]
Reb Sinaý çölünde Musa bilen gepleşip,
şeýle diýdi: [2] «Ysraýyllar kesgitlenen
wagtda Pesah baýramyny bellesinler.
[3] Şu aýyň on dördüne, bellenen wagt-
da, agşamara ony ähli düzgünlere we
kada-kanuna laýyklykda geçirsinler».
[4] Şeýlelikde, Musa ysraýyllara Pesah
baýramyny bellemelidiklerini aýtdy.
[5] Şoňa görä, ysraýyllar Sinaý çölünde
birinji aýyň on dördüne, agşamara Pesah
baýramyny bellediler. Ysraýyllar Rebbiň
Musa tabşyran zatlarynyň ählisini berjaý
etdiler. [6] Emma ölä galtaşanlygy zerarly
haram bolanlar-da bardy. Olar şol gün
Pesah baýramynyň geçirilişine gatnaşyp
bilmediler. Şonuň üçin olar Musa bilen
Harunyň ýanyna gelip: [7] «Ölä galtaşyp
haram bolsak-da, biz näme üçin beýle-
ki ysraýyllar bilen bile Rebbe bellenen
wagtda gurbanlyk bermeli dälmişik?»
diýdiler. [8] Musa olara: «Garaşyň, siz
hakda Rebbiň näme tabşyryk berýänini
bileýin» diýdi.

[9] Reb Musa şeýle diýdi: [10] «Ysraýyllara
aýt, siziň biriňiziň ýa-da nesilleriňizden
biriniň ölä galtaşyp, haram bolandy-
gyna ýa-da uzak saparda bolandygyna
garamazdan, Rebbiň Pesah baýramy-
ny belläp bilersiňiz. [11] Olar ikinji aýyň
on dördüne, agşam Pesah gurbanyny
soýup, ony petir we ajy otlar bilen iý-
sinler. [12] Ertire çenli gurbanlykdan hiç
zat galmasyn we onuň ýekeje süňki-de
döwülmesin. Pesah baýramy özüniň ähli
kada-kanunlaryna laýyklykda bellensin.
[13] Emma kimde-kim tämizdigine we uzak
ýola gitmändigine garamazdan, Pesah
baýramyny bellemese, onda ol Rebbe
berilmeli sadakany bellenen wagtyn-
da bermänligi üçin, halkyň arasyndan
kowlup çykarylsyn. Beýle adam eden
günäsi üçin jezasyny çekmelidir. [14] Eger
araňyzda ýaşaýan gelmişeklerden biri
Rebbiň Pesah baýramyny bellese, onda
ol ony ähli kada-kanunlara laýyklykda
geçirsin. Asly ysraýylly bolan üçin hem,
gelmişek üçin hem bir düzgün bolsun».

### *Mukaddes çadyry bürän bulut*

[15] Mukaddes çadyryň, ýagny äht çady-
rynyň gurlan güni, ony bulut gaplap aldy.
Agşamdan tä ertire çenli bulut oda meň-
zäp, mukaddes çadyryň depesinde durdy.
[16] Bu hemişe şeýle boldy, gündizlerine
mukaddes çadyry büreýän bulut gijele-
rine oda meňzeýärdi. [17] Bulut çadyryň
üstünden göterilensoň, ysraýyllar ýola dü-
şerdiler. Bulut nirä gelip dursa, ysraýyllar
hem şol ýerde düşelge gurardylar. [18] Ysra-
ýyllar Rebbiň buýrugy bilen ýola düşüp,
Rebbiň buýrugy bilen hem düşlärdiler.
Bulut mukaddes çadyryň depesinde näçe
wagtlap saklansa, olar hem öz düşelgele-
rinde şonça wagt saklanardylar. [19] Hatda
buludyň mukaddes çadyryň depesinde
saklanmagy uzaga çekse-de, ysraýyllar
Rebbiň buýrugyny berjaý edip göçmezdi-
ler. [20] Käwagtlar bulut mukaddes çadyryň
depesinde diňe sanlyja gün görnerdi, olar
hem Rebbiň buýrugyna görä düşelgelerin-
de bolup, soňra Rebbiň buýrugy bilen hem
ýola düşerdiler. [21] Käwagtlar bolsa bulut
diňe agşamdan ertire çenli saklanardy, bu-
lut irden göterilensoň, olar ýola düşerdiler.

---

[a] **9:1** Ýewreýleriň senenamasy boýunça ýylyň birinji aýy takmynan aprel aýyna gabat gelýär. Seret: Msr 13:4.

Gündiz bolsun, gije bolsun – parhy ýok,
bulut ýokary göterilende ysraýyllar hem
ýola düşerdiler. 22 Bulut mukaddes çadyryň
depesinde iki gün saklansa-da, bir aý sak-
lansa-da, hatda ondan hem uzak wagtlap
saklanmagyny dowam etse-de, ysraýyllar
düşlän ýerlerinden göçmezdiler. Emma
bulut göterilen badyna, olar ýene ýola
düşerdiler. 23 Ysraýyllar Rebbiň buýrugy
bilen düşläp, Rebbiň buýrugy bilen hem
ýola düşerdiler. Olar Rebbiň Musa arkaly
berýän buýruklaryny berjaý etdiler.

## 10-njy bap

### *Kümüş surnaýlar*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Özüňe döw-
me sap kümüşden iki sany surnaý ýasa.
Olary jemagaty çagyrmak we düşel-
geleri göçürmek üçin ulanarsyň. 3 Iki
surnaý deň çalnanda, bütin jemagat
seniň ýanyňa, Rebbe ýüz tutulýan ça-
dyryň girelgesine ýygnansyn. 4 Eger
surnaýlaryň biri çalynsa, onda ysraýyl
ýolbaşçylary, ýagny tire baştutanlary
seniň ýanyňa ýygnansynlar. 5 Surnaý
gysga-gysga çalynsa, gündogar tarap-
daky düşelgeler ýola çyksyn. 6 Surnaý
ikinji gezek gysga çalynsa, onda gün-
orta tarapdaky düşelgeler ýola düşsün.
Düşelgäniň göçmelidigini aňladýan sur-
naý gysga çalynsyn. 7 Emma jemagaty
ýygnamak gerek bolanda, surnaý uzak
çalynsyn, gysga çalynmasyn. 8 Surnaý-
lary ruhany Harunyň ogullary çalsynlar.
Bu siziň we geljekki nesilleriňiz üçin
ebedilik düzgün bolsun. 9 Ýurduňyzda
siziň üstüňize çozan duşmana garşy
söweşe çykanyňyzda, surnaýlar bilen
söweş sazyny çalyň. Şonda Hudaýyňyz
Reb sizi ýatlar we duşmanlaryňyzdan
halas eder. 10 Şat günüňizde, bellemeli
baýramlaryňyzda we her aýyň başynda,
ýakma we salamatlyk gurbanlygyňyzyň
başynda surnaýlary çalyň. Olar siziň
Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda ýatlan-
magyňyz üçin hyzmat eder. Hudaýyňyz
Reb Mendirin».

### *Ysraýyllar Sinaý dagyndan gidýärler*

11 Ysraýyllaryň Müsürden çykanlaryn-
dan soňky ikinji ýylyň ikinji aýynda,
aýyň ýigrimisi güni mukaddes äht
çadyrynyň depesinden bulut göterildi.
12 Ysraýyllar göçmäge taýýarlanyp, Sinaý
çölünden çykyp ugradylar. Bulut Paran
çölüne gelip durdy. 13 Olar ilkinji gezek
Rebbiň Musa arkaly beren buýrugy bilen
ýola düşdüler. 14 Ýahudalaryň düşelgesi
topar-topar bolup, öz tugy astynda il-
kinji bolup ýola düşdi. Bu tutuş topara
Eminadabyň ogly Nahşon baştutanlyk
edýärdi. 15 Ysakar tiresiniň toparyna Su-
garyň ogly Netanel baştutanlyk edýärdi.
16 Zebulun tiresiniň toparyna Helonyň
ogly Eliýap baştutanlyk edýärdi.
17 Onsoň mukaddes çadyr söküldi we
ony göterýän gerşonlar bilen merarylar
ýola düşdüler. 18 Soňra rubenleriň düşel-
gesi topar-topar bolup, öz tugy astynda
ýola düşdi. Bu tutuş topara Şedeýuryň
ogly Elisur baştutanlyk edýärdi. 19 Şim-
gon tiresiniň toparyna Suryşadaýyň
ogly Şelumyýel baştutanlyk edýärdi.
20 Gat tiresiniň toparyna bolsa Deguwa-
lyň ogly Elýasap baştutanlyk edýärdi.
21 Soňra mukaddes zatlary göterýän
kohatlar ýola düşdüler. Bular baryp ýet-
ýänçä, gerşonlar we merarylar mukaddes
çadyry dikerdiler. 22 Soňra efraýymlaryň
düşelgesi topar-topar bolup, öz tugy
astynda ýola düşdüler. Bu tutuş topara
Emihudyň ogly Elişama baştutanlyk
edýärdi. 23 Manaşa tiresiniň toparyna
Pedahsuryň ogly Gamlyýel baştutanlyk
edýärdi. 24 Benýamin tiresiniň toparyna

bolsa Gidgonynyň ogly Abydan baştu-
tanlyk edýärdi.
25 Iň soňunda düşelgeleriň yzky goragy
hökmünde danlaryň düşelgesi topar-to-
par bolup, öz tugy astynda ýola düşdi. Bu
tutuş topara Emişadaýyň ogly Ahygezer
baştutanlyk edýärdi. 26 Aşer tiresiniň topa-
ryna Okranyň ogly Pagyýel baştutanlyk
edýärdi. 27 Naftaly tiresiniň toparyna bolsa
Eýnanyň ogly Ahura baştutanlyk edýärdi.
28 Ysraýyllar göçenlerinde topar-topar bo-
lup, şu tertipde giderdiler.
29 Musa gaýynatasy midýanly Regu-
walyň ogly Hobaba: «Biz Rebbiň „size
berjek“ diýen ýerine tarap ýola düşýäris.
Ýör, biziň bilen git, biz saňa ýagşylyk
ederis. Çünki Reb Ysraýyla ýagşylyk
etjekdigini wada berdi» diýdi. 30 Emma
Hobap oňa: «Ýok, men gitjek däl. Men
öz ýurduma, garyndaşlarymyň ýanyna
gitjek» diýdi. 31 Musa oňa: «Bizi taşlap
gitme! Çünki çölde düşlejek ýerlerimizi
sen gowy bilýärsiň, bize ýolbeletçilik
et. 32 Eger biziň bilen gitseň, Rebbiň
bize etjek ýagşylyklaryny seniň bilen
paýlaşarys» diýdi.
33 Onsoň ysraýyllar Rebbiň dagyndan
gaýdyp, üç gün ýörediler. Olaryň düş-
lejek ýerini tapmak üçin, Rebbiň Äht
sandygy hem ýoluň bütin dowamynda
olaryň öňünden barýardy. 34 Düşelgeden
çykyp ugranlary bäri Rebbiň buludy
gündiz olaryň üstündedi.
35 Her sapar Äht sandygy ýola düşende,
Musa şeýle diýerdi:

«Galkyn, eý, Reb! Goý,
duşmanlaryň dargasyn,
seni ýigrenýänler Seniň
öňüňden gaçsyn».

36 Äht sandygy saklananda bolsa ol
şeýle diýerdi:

«Eý, Reb, müňlerçe ysraýyl
kowumlaryna sary öwrül!»

## 11-nji bap

### *Halkyň şikaýatlary*

1 Halk görýän görgüleri hakda Rebbe
eşitdirip, şikaýat edip başlady. Reb muny
eşidende gaty gaharlandy. Onsoň Rebbiň
ody olaryň garşysyna tutaşyp, ýangyn
düşelgäniň bir çetini ýok etdi. 2 Halk
Musa perýat etdi, Musa-da Rebbe ýal-
baryp dileg etdi. Ot söndi. 3 Şonuň üçin
hem ol ýere Tabgera [a] diýip at goýdular.
Çünki Rebbiň iberen ody olaryň garşy-
syna tutaşypdy.
4 Ysraýyllaryň arasyndaky gelmişek-
lerden ýygnananlaryň açgözlügi artdy.
Hatda ysraýyllar hem sojaşyp, şeýle eň-
reýärdiler: «Wah, indi et iýmäge-de zar
bolduk. 5 Müsürde mugtja iýýän balyk-
larymyz, hyýarlarymyz, gawunlarymyz,
soganlarymyz, düýp soganlarymyz, sa-
rymsaklarymyz ýat boldy-la. 6 Mannadan
başga görýän zadymyz bolmansoň, ys-
gyn-mydarymyz galmady».
7 Manna kinzanyň tohumyna meňzeş
bolup, reňki-de sakyzyňky ýaly sarymtyl
akdy. 8 Halk çykyp, ony ýygnardy we de-
girmende üwärdi ýa-da sokuda döwerdi.
Soňra gazanda gaýnadyp, ondan petir
kökeler bişirerdiler. Onuň tagamy zeý-
tun ýagyna ýugrulyp bişirilen çelpegiň
tagamy ýalydy. 9 Düşelgäniň üstüne gije
düşýän çyg bilen bile manna-da ýagardy.
10 Musa halkyň, her maşgalanyň öz
çadyrynyň agzynda aglaýandyklaryny
eşitdi. Rebbiň muňa juda gaharynyň
gelendigi üçin, Musanyň jany ýanýardy.
11 Onsoň Musa Rebbe şeýle diýdi: «Näme
üçin Sen Öz guluňy beýle gynaýarsyň?

[a] **11:3** Ýewreýçe *Tabgera* we *ýanýan ýer* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

Bütin halkyň ýüküni meniň boýnuma
atar ýaly, näme sebäpden men Seniň
nazaryňda merhemet gazanmadym?
12 Bu giden halky garnymda göterip, men
dogrupmydym näme? Sen maňa: „Olary
süýtden aýrylmadyk çagany enekesiniň
göterişi deý, gujagyňda göter“ diýer ýaly,
olaryň ata-babalaryna ant içip söz beren
ýurduňa çenli meniň göterip barmagy-
my isleýärmiň? 13 Bütin halka ýeter ýaly
eti men nireden tapaýyn? Çünki olar
meniň ýanyma gelip: „Bize iýmäge et
ber“ diýip, eňreşip durlar. 14 Bütin hal-
kyň garamatyny meniň bir özüm çekip
bilmen, çünki bu meniň üçin juda agyr.
15 Maňa beýle daraşandan, eger Seniň
nazaryňda merhemet gazanan bolsam,
gowusy, Sen meniň janymy al, men hem
bu azaplardan dynaýyn».

### *Ýetmiş ýaşuly*

16 Reb Musa şeýle diýdi: «Halkyň
arasynda olaryň baştutanlary we ser-
kerdeleri hökmünde tanalýan ýetmiş
ýaşulyny Meniň ýanyma ýygna. Olary
Maňa ýüz tutulýan çadyra getir, goý,
olar seniň ýanyňda dursunlar. 17 Men
aşak inip, ol ýerde seniň bilen gep-
leşerin. Saňa beren Ruhumdan alyp,
olara-da bererin. Ana onsoň, halkyň
garamatyny ýeke özüň çekmersiň, hal-
kyň garamatyny olar seniň bilen deň
çekişerler. 18 Halka-da aýt, ertir üçin
inlerini tämizläp, mukaddes etsinler,
çünki ertir olar et iýerler. „Wah, indi
et iýmäge-de zar bolduk. Müsürde ýa-
şaýşymyz, mundan has oňatdy“ diýip
nalaýanyňyzy Reb eşitdi. Şonuň üçin
Reb size iýer ýaly et berjek. 19 Bir gün
ýa iki gün däl, bäş gün ýa on gün däl,
ýa-da ýigrimi gün däl, 20 eýsem, tutuş bir
aýlap, tä aşa düşýänçäňiz, tä irýänçäňiz
et iýersiňiz. Çünki siz araňyzda bolan
Rebbi ret etdiňiz we Onuň huzurynda:
„Näme üçin biz Müsürden çykdyk?“ diýip
agladyňyz». 21 Emma Musa Rebbe şeýle
diýdi: «Bu halk alty ýüz müň adamdan
ybarat. Sen bolsa olary bir aýlap et bilen
bakaryn diýýärsiň. 22 Ähli dowarlary we
mal-garalary öldüreniňde, olary doýrup
bolarmy? Deňizdäki ähli balyklary tu-
tanyňda, bular doýarmy?» 23 Reb Musa:
«Rebbiň güýjüniň çägi barmy näme?
Meniň size aýdan sözlerim berjaý bol-
ýarmy ýa ýok, ine, görersiň!» diýdi.

24 Musa çykyp, Rebbiň sözlerini halka
ýetirdi. Halkyň arasyndan ýetmiş ýaşu-
lyny ýygnap, olary çadyryň töwereginde
duruzdy. 25 Onsoň Reb buludyň içinde
aşak inip, Musa bilen gepleşdi. Onuň üs-
tündäki ruhdan alyp, ýetmiş ýaşulynyň
üstüne goýdy. Ruh ýaşulularyň üstüne
inen badyna, olar joşup pygamberlik
edip başladylar, ýöne olar soňra gaýdyp
beýle etmediler.

26 Eldat we Meýdat atly iki adam dü-
şelgede galypdy. Olar saýlanan ýetmiş
ýaşulynyň arasyndadylar, emma çadyra
gitmän galypdylar, ine, onsoň olar düşel-
gede joşup pygamberlik edip başladylar.
27 Bir ýaş ýigit ylgap gelip, Musa: «Eldat
bilen Meýdat düşelgede pygamberlik ed-
ýär» diýdi. 28 Muňa Musanyň kömekçisi,
onuň saýlan adamlarynyň biri bolan
Nunuň ogly Ýeşuwa: «Agam, Musa,
olara gadagan et!» diýdi. 29 Emma Mu-
sa oňa: «Sen meniň üçin gabanjaňlyk
edýärmiň? Käşgä Rebbiň bütin halky
pygamber bolsady we Reb Öz Ruhuny
olaryň baryna bersedi!» diýip jogap
berdi. 30 Soňra Musa bilen ysraýyl ýa-
şululary düşelgä dolandylar.

### *Bedeneler*

31 Reb bir ýel öwüsdirdi. Düşelgäniň
çar tarapy ýeliň getiren bedeneleri bilen

gurşaldy. Bedeneler bir günlük ýol araly-
gynda ýerden iki tirsek beýiklikde uçuşyp
ýördüler[a]. 32 Halk şol güni gije-gündizläp
we ertesi güni bedeneleri tutup ýygnady.
Iň az ýygnan kişi on eşek ýüki bedene
ýygnady. Soňra olary düşelgäniň töwe-
regine serdiler. 33 Emma halk entek etiň
hemmesini iýip ýetişmänkä, Reb gazapla-
nyp, düşelgä elhenç gyrgynçylyk iberdi.
34 Şeýlelikde, ol ýer Kibrothatawa[b]
diýip atlandyryldy, sebäbi olar şol ýerde
açgözlük edenleri jaýladylar.
35 Onsoň ysraýyl halky Kibrothatawa-
dan Haserota göçdi.

### 12-nji bap

***Merýemiň we Harunyň göripligi***

1 Merýem bilen Harun Musanyň efiopi-
ýaly aýala öýlenendigi üçin ýazgardylar.
(Hakykatdanam Musanyň ikinji aýaly Efi-
opiýadandy.) 2 Olar: «Reb diňe bir Musa
bilen gepleşmän, biziň bilenem gepleşdi
ahyryn» diýdiler. Reb olaryň bu diýenleri-
ni eşitdi. 3 Musa juda kiçigöwünli adamdy,
beýle adam ýer ýüzünde başga ýokdy.
4 Birdenkä Reb Musa, Haruna we Merýe-
me: «Üçiňizem Maňa ýüz tutulýan çadyra
geliň» diýdi. Onsoň olaryň üçüsi-de ol
ýere gitdiler. 5 Reb bulut sütüni görnüşinde
aşak indi we çadyryň girelgesinde durup,
Harun bilen Merýemi çagyrdy. Olar öňe
çykdylar. 6 Reb olara şeýle diýdi: «Meniň
sözlerime gulak salyň:

„Eger araňyzda pygamberler bar
bolsa,
Men-Reb görnüşlerde Özümi
aýan edip,
Olar bilen düýşde gepleşýärin.
7 Ýöne gulum Musa bilen beýle
däldir,
Ol tutuş halkymyň sadyk
ýolbaşçysydyr.
8 Men onuň bilen syrly däl-de,
açyk, ýüzbe-ýüz gepleşýärin.
Hatda ol Men Rebbiň keşbini-de
görýär.

Siz näme üçin gulum Musanyň ýüzüne
gelmäge gorkmadyňyz?“» 9 Olara garşy
Rebbiň gahary geldi we Reb ol ýerden
gitdi. 10 Bulut çadyryň depesinden syry-
landa, Merýem deri keseline uçrap, ak
gar ýaly pis açdy. Harun Merýeme tarap
seredip, onuň deri keseline uçrandygyny
gördi. 11 Onsoň Harun Musa: «Jenabym,
akmaklyk edip gazanan günämiz üçin
bizi jezalandyrma. 12 Merýemiň bedeni
ýarysy çüýrän halda eneden öli doglan
çaganyňka meňzemesin» diýdi. 13 Onsoň
Musa Rebbe perýat edip: «Eý, Hudaýym,
oňa şypa ber» diýip ýalbardy. 14 Emma
Reb Musa: «Eger atasy onuň ýüzüne
tüýküren bolsady, ol ýedi günläp utançly
halda bolmazmydy? Goý, ol ýedi günläp
düşelgäniň daşynda bolsun. Ol soňra
ýene düşelgä girip biler» diýip jogap
berdi. 15 Şeýdip, Merýem ýedi günläp
düşelgäniň daşynda saklanyldy. Ol düşel-
gä girizilýänçä, halk ol ýerden göçmedi.

### 13-nji bap

***Musa Kengana içalylar iberýär***
*(Kanun taglymaty 1:19-33)*

1 Şondan soň halk Haserotdan göçüp
gaýdyp, Paran çölünde düşelge gurdy.
2 Reb Musa şeýle diýdi: 3 «Meniň ysraýyl-
lara berýän Kengan ýurdumy synlamak

---

[a] **11:31** ***Düşelgäniň çar tarapy… ýördüler*** – ýa-da: *Ýel deňizden bedeneleri getirip, düşelgäniň çar tarapyny, bir günlük ýol aralygyny iki tirsek boýy galyňlykda bedene bilen büräp taşlady.*
[b] **11:34** ***Kibrothatawa*** – bu söz *açgözler üçin gazylan gabyrlar* diýmegi aňladýar.

üçin, tireleriň hersinden bir serdary
içaly edip, ol ýere iber». [4] Musa Rebbiň
buýrugy bilen Paran çölünden adam-
lary ugratdy. Olaryň hemmesi ysraýyl
serdarlarydy. [5] Olaryň atlary şulardyr:
ruben tiresinden Zakuryň ogly Şammu-
wa; [6] şimgon tiresinden Horynyň ogly
Şapat; [7] ýahuda tiresinden Ýepunnäniň
ogly Kalep; [8] ysakar tiresinden Ýusubyň
ogly Ýygal; [9] efraýym tiresinden Nunuň
ogly Hoşeýa; [10] benýamin tiresinden Ra-
puwyň ogly Palty; [11] zebulun tiresinden
Sodynyň ogly Gadyýel; [12] ýusup tiresin-
den, ýagny manaşa tiresinden Susynyň
ogly Gady; [13] dan tiresinden Gemallynyň
ogly Emiýel; [14] aşer tiresinden Mika-
ýylyň ogly Setur; [15] naftaly tiresinden
Wopsynyň ogly Nahby; [16] gat tiresin-
den Makynyň ogly Gewuwal. [17] Ýurdy
gözden geçirmek üçin, Musanyň iberen
adamlary şulardyr. Musa Nunuň ogly
Hoşeýa Ýeşuwa [a] adyny berdi.

[18] Musa olary Kengan ýurduny gözden
geçirmek üçin ugradanda, şeýle diýdi:
«Mundan göni Negebe gidip, daglyga
çykyň. [19] Ýurduň nähilidigini synlaň.
Ol ýerde ýaşaýan halk güýçlümi ýa ejiz,
köplükmi ýa azlyk? [20] Olaryň ýaşaýan
ýeri gowumy ýa-da erbet? Olar galalar-
da ýaşaýarmy ýa-da açyk meýdanda?
[21] Mes topraklymy ýa arryk, agaçlymy,
agaçsyz? Batyrgaý hereket ediň we ol
ýurduň miwelerinden getiriň».

Ol wagtlar üzümleriň ýetişýän möw-
sümidi. [22] Şeýdip, olar ýola düşdüler we
Sin çölünden tä Lebohamadyň gola-
ýyndaky Rehop galasyna çenli bolan
ýerleri gözden geçirdiler. [23] Olar Negebe
çykdylar we Hebrona geldiler. Ol ýerde
Ahyman, Şeşaý we Talmaý uruglary
hem ýaşapdy. Olar Anagyň nesilleridi.
(Hebron Müsürdäki Zogan galasyndan
ýedi ýyl öň gurlupdy.) [24] Olar Eşkol dere-
sine baranlarynda ol ýerden bir salkym
üzümi şahasy bilen bile kesip aldylar
we ony iki adam bolup taýakdan asyp
göterdiler. Olar az-owlak nar bilen injir
hem aldylar. [25] Ysraýyllaryň kesen üzüm
salkymlaryndan soň, ol ýere Eşkol [b] de-
resi diýen at galdy.

### *Içalylaryň getiren habary*

[26] Olar ýurdy kyrk günläp synlansoň-
lar, yzlaryna gaýtdylar. [27] Olar Paran
çölündäki Kadeşe, Musa bilen Harunyň
we bütin ysraýyl jemagatynyň ýanyna
gaýdyp geldiler. Olar tutuş jemagata gö-
rüp-eşidenlerini habar berip, ol ýerden
getiren miwelerini görkezdiler. [28] Olar
Musa şeýle diýdiler: «Biz seniň iberen
ýurduňa bardyk. Ol ýerde, hakykatda-
nam, süýt we bal akýar, ine, bular hem
şol ýeriň miwelerinden. [29] Emma ol ýerde
ýaşaýan halk biçak güýçli eken. Olaryň
galalary berk diwarly we örän uly. Hat-
da ol ýerde biz Anagyň nesillerini-de
gördük. [30] Negep ülkesinde amalekler,
daglyk ýerlerde hetler, ýabuslar, amorlar,
deňiz ýakasynda we Iordan derýasy-
nyň boýunda bolsa kenganlar ýaşaýan
ekenler».

[31] Emma Kalep Musanyň öňünde duran
halkyň sesini kesip: «Derrew gideliň-
de, ol ýurdy basyp alalyň, çünki olary
ýeňmäge biziň hökman güýjümiz ýe-
ter» diýdi. [32] Onuň bilen giden adamlar
bolsa: «Biz ol halkyň garşysyna çykyp
bilmeris, çünki olar bizden has güýçli»
diýdiler. [33] Şeýlelikde, olar görüp gelen
ýurdy hakynda ysraýyllara ýakymsyz

[a] **13:17** ***Ýeşuwa*** – bu söz *halasgär* diýmegi aňladýar. Sözlükde «Halasgär» sözüne seret.
[b] **13:25** ***Eşkol*** – bu söz *üzüm salkymy* diýmegi aňladýar.

zatlar aýdyp, şeýle diýdiler: «Biziň synlamak üçin içinden geçen ýurdumyz öz ilatyny özi iýip ýören ýurt eken. Ol ýerde ýaşaýan adamlaryň hemmesi gaty iri
adamlar eken. 34 Biz ol ýerde nefilleri [a]
(anaklar nefilleriň nesilleridir) gördük. Olaryň ýanynda özümizi edil çekirtge ýaly duýduk. Olara-da biz çekirtge ýalyjak bolup göründik».

## 14-nji bap

### *Halk perýat edýär*

1 Onsoň bütin halk gaty ses bilen per-
ýat edip, şol gijäni aglap geçirdi. 2 Bütin
ysraýyl halky Musa bilen Harundan zeýrenişip, şeýle diýdi: «Biz Müsür ýurdunda ýa-da bu çöllükde ölen bolsak,
mundan gowy bolardy! 3 Näme sebäp-
den Reb bizi gylyçdan geçirtmek üçin, aýallarymyz bilen çagalarymyzy ýesir etmek üçin bu ýurda alyp barýarka? Müsüre dolansak, gaýtam, biziň üçin
gowy bolmazmy?» 4 Şondan soň olar
biri-birilerine: «Geliň, özümize baştutan saýlalyň-da, Müsüre dolanalyň»
diýişdiler. 5 Musa bilen Harun bütin
ysraýyl halkynyň öňünde ýüzin ýy-
kyldylar. 6 Ýurdy synlamaga gidenleriň
arasynda bolan Nunuň ogly Ýeşuwa bilen Ýepunnäniň ogly Kalep gynançdan
ýaňa ýakalaryny ýyrtyp, 7 bütin ysraýyl
halkyna şeýle diýdiler: «Synlamak üçin içinden geçen ýurdumyz juda gowy ýurt
eken. 8 Eger Reb bizden razy bolsa, bizi
ol ýurda alyp baryp, süýt we bal akýan
ýurdy bize berer. 9 Ýöne siz Rebbiň garşysyna pitne turuzmaň we ol ýurduň ilatyndan gorkmaň. Çünki olar biziň höregimizdir, olaryň goragçysy olardan ýüz dönderdi, ýöne Reb biziň bilendir,
olardan gorkmaň». 10 Emma bütin jema-
gat olary daşlamaly diýip haýbat atdy.

Şonda Rebbe ýüz tutulýan çadyrda ähli ysraýyllara Rebbiň şöhraty göründi.

### *Musa halk üçin dileg edýär*

11 Reb Musa şeýle diýdi: «Bu halk
haçana çenli Meni äsgermän gezjekkä? Aralarynda görkezen ähli alamatlarymy görübem, bular haçana çenli Maňa ynanmakdan boýun towlajakkalar? 12 Men
bulary gyrgyna bererin we mirasdan mahrum ederin. Senden bulara görä has beýik we has güýçli bir millet dö-
rederin». 13-14 Musa Rebbe şeýle diýdi:
«Onda bu zatlary müsürliler eşiderler, onsoň olar muny biziň barýan ýurdumyzyň ýaşaýjylaryna aýdarlar, çünki bu ysraýyl halkyny Öz gudratyň bilen müsürlileriň arasyndan Sen alyp çykdyň. Bu ýurduň ýaşaýjylary bolsa, ýa Reb, Seniň bu ysraýyl halkynyň arasyndadygyňy, ýa Reb, olar bilen ýüzbe-ýüz görüşýändigiňi, Seniň buludyňyň olaryň depesindedigini we olara gündizine bulut sütüni, gijesine ot sütüni bolup, ýol görkezýändigiňi eýýäm eşitdiler.
15 Indem Sen, bu halkyň baryny birden
gyrgyna berseň, onda Seniň şöhratyňy
eşiden milletler: 16 „Reb olary ant içip
söz beren ýurduna getirip bilmändigi üçin, olary çölde gyrgyna berdi“ diýip
aýdarlar. 17 Şonuň üçin hem, goý, indi Öz
söz berip, şu aýdyşyň ýaly, Sen Rebbiň
güýji beýik bolsun! 18 Sen: „Men-Reb –
giň göwünli, sadyk söýgä baý. Etmişi we ýazygy bagyşlaýaryn. Ýöne günälini jezasyz hem goýmaýaryn. Atalarynyň etmişiniň jezasyny çagalaryna, olaryň dördünji we dördünji arkasyna çekdirýärin“
diýipdiň. 19 Müsürden çykalymyz bäri,

[a] **13:34** ***Nefilleri*** – haýbatly we güýçli adamlar. Sözlüge seret.

bularyň günälerini bagyşlap gelşiň ýaly,
halkyň bu etmişini-de Öz beýik sadyk
söýgiňiň hatyrasyna bagyşla».
20 Reb şeýle jogap berdi: «Men seniň
aýdyşyň ýaly bulary bagyşlaryn. 21 Ýö-
ne Men barlygymdan we bütin dünýäni
dolduran şöhratymdan kasam edýärin:
22 Meniň şöhratymy, Müsürde we çölde
görkezen alamatlarymy gören, şonda-da
Meni on gezek synap, Meniň sözüme
boýun bolmadyklaryň hiç biri 23 atalary-
na wada beren ýurduma girmez. Meni
äsgermedikleriň ýekejesi-de bu ýurdy
görmez. 24 Emma gulum Kalebiň ruhy
olaryňky ýaly däl, ol bütin ýüregi bilen
Meniň yzyma eýerdi. Şonuň üçin Men
ony özüniň synlan ýurduna alyp bararyn.
Onuň nesilleri ony eýelärler. 25 Indi bolsa
amalekler bilen kenganlaryň jülgelerde
ýaşaýandyklary üçin, ertiriň özünde
öwrülip, Gyzyl deňziň [a] ýoly bilen çöle
tarap ýola düşüň».

### *Reb şikaýatçy halky jezalandyrýar*

26 Reb Musa bilen Haruna şeýle diýdi:
27 «Bu azgyn halk haçana çenli Meniň
garşyma şikaýat etjekkä? Men ysra-
ýyllaryň Meniň garşyma şikaýat edip
hüňürdeşýändiklerini eşitdim. 28 Olara
aýt, Öz barlygymdan ant içip aýdýaryn,
Men siziň nalap aýdan zatlaryňyzyň ba-
ryny öz başyňyza getirerin. 29 Şu çölde
läşiňizi sererin. Ilat sanawynda hasaba
alnyp, ýaşy ýigrimi we ondan ýokary
bolup, Menden nalanlaryň 30 hiç biri
Meniň size ornaşmaga söz beren ýur-
duma girmez. Oňa diňe Ýepunnäniň
ogly Kalep bilen Nunuň ogly Ýeşuwa
girip biler. 31 Emma siziň ýesir düşer
öýden perzentleriňizi welin Men ol
ýere alyp bararyn. Siziň ýüz öwren
ýurduňyzyň nähilidigini olar bilerler.
32 Emma siziň läşleriňiz bu çöllükde
serler. 33 Siziň çagalaryňyz hem kyrk
ýyllap çölde göçüp-gonup gezerler we
siziň biwepadygyňyz üçin jebir çekerler.
Bu siziň hemmäňiz ölüp gutarýançaňyz
dowam eder. 34 Size ol ýurdy gözden
geçirmäge kyrk gün gerek bolan bol-
sa, kyrk günüň her güni üçin bir ýyl,
jemi kyrk ýyllap etmişleriňiz üçin je-
za çekersiňiz. Sizden ýüz öwrenimde,
Meniň nähili bolýandygymy siz şondan
bilersiňiz. 35 Men-Reb şeýle diýmek bi-
len, bu aýdanlarymy Meniň garşyma
birleşen bu azgyn halkyň başyndan
indererin. Şu çöllükde bularyň baryny
gyryp, ýok ederin».
36-37 Musanyň ýurdy gözden geçirmäge
iberen adamlary ol ýurt hakda getiren ýa-
ramaz habarlary bilen halky Rebbe garşy
öjükdirendikleri üçin, Onuň huzurynda
gyrgyna berlip öldüler. 38 Olardan diňe
Nunuň ogly Ýeşuwa bilen Ýepunnäniň
ogly Kalep diri galdy.
39 Musa bu sözleri bütin ysraýyllara
ýetirende, halk uly gaýga batdy. 40 Halk
daňdan ir bilen turup, daglyga çykmaga
başlap: «Ine, biz Rebbiň söz beren ýeri-
ne barýarys, çünki biz günä gazandyk»
diýdiler. 41 Emma Musa olara şeýle diýdi:
«Näme üçin siz Rebbiň buýrugyna garşy
gitmegiňizi dowam edýärsiňiz? Onyňyz
başa barmaz! 42 Söweşe çykmaň, çünki
Reb siziň araňyzda däl. Duşmanlaryňy-
za özüňizi paýhynlatmaň! 43 Öňüňizde
amalekler bilen kenganlar bardyr we
siz gylyçdan geçirilersiňiz. Çünki siz
Rebbiň yzyna eýermekden boýun towla-
dyňyz, Reb siziň bilen bolmaz». 44 Emma
olar men-menlik edip, daglyga dyrmaşyp
çykdylar. Ýöne olaryň ýanynda Rebbiň

[a] **14:25** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

Äht sandygy-da, Musa-da ýokdy, olar
düşelgedediler. 45 Onsoň şol daglykda
ýaşaýan amalekler bilen kenganlar aşak
indiler we Horma galasyna çenli olaryň
yzyndan kowup, olary kül-peýekun
etdiler.

## 15-nji bap

### *Sadakalar hakda*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyllara
aýt, mesgen tutmagyňyz üçin Meniň
size berýän ýurduma gireniňizde, 3 ga-
ra maly ýa goýun-geçini Rebbe ot üsti
bilen hödür edip, ondan aýdylan ýa-da
meýletin sadaka hökmünde bereniňizde
we bellemeli baýramlaryňyzda edilişi
ýaly, ýakma gurbanlyk ýa-da başga
gurbanlyk bereniňizde, olaryň ýakymly
ysy Rebbe hoş ýakýar. 4 Şu hili sadakany
beren adam onuň ýany bilen bir küýze [a]
zeýtun ýagyna ýugrulan, bir batmanyň
ondan biri möçberindäki saýlama bug-
daý unundan galla sadakasyny hem
bersin. 5 Mundan başga-da, siz ýakma
gurbanlyk ýa-da başga gurbanlyk bilen
bilelikde her bir toklynyň ýany bilen içgi
sadakasy hökmünde bir küýze şeraby
hödürläň. 6 Goçuň ýany bilen bir ýarym
küýze [b] zeýtun ýagyna ýugrulan, bir
batmanyň ondan iki möçberindäki saý-
lama bugdaý unundan galla sadakasyny
beriň. 7 Rebbe ýakymly ysly içgi sada-
kasy hökmünde bir ýarym küýze şeraby
hödür ediň. 8 Rebbe ýakma gurbanlyk ýa
başga gurbanlyk, aýdylan sadaka ýa-da
salamatlyk gurbanlygy hökmünde öküz
hödür etseňiz, 9 onda öküz bilen birlikde
iki küýze [ç] zeýtun ýagyna ýugrulan, bir
batmanyň ondan üç möçberindäki saý-
lama bugdaý unundan galla sadakasyny
hödür ediň. 10 Içgi sadakasy hökmünde
iki küýze şeraby hödür ediň. Ot üsti
bilen berilýän bu sadakanyň ýakymly
ysy Rebbe hoş ýakýar.

11 Her bir öküzi, goçy, erkek toklyny
ýa-da owlagy sadaka bereniňizde şeý-
le ediň. 12 Sadaka berilýän mallaryň
sanyna görä onuň ýany bilen berilýän
sadakanyň hem mukdary artdyrylsyn.
13 Asly ysraýyl bolan her bir adam ot
üsti bilen Rebbe ýakymly ysly sadaka
bereninde, şu aýdylanlary berjaý etsin.
14 Araňyzda mydamalyk ýa-da wagtlaýyn
ýaşaýan gelmişeklerden biri ot üsti bilen
Rebbe ýakymly ysly sadaka bermekçi
bolsa, ol hem şu kadalary berjaý etsin.
15 Eý, jemagat, siziň üçinem, araňyzda
ýaşaýan gelmişekler üçinem düzgün
birdir. Bu siziň geljekki nesilleriňize-de
ebedilik düzgün bolsun. Rebbiň öňünde
siz hem, gelmişek hem deňdir. 16 Size-
de, araňyzda ýaşaýan gelmişeklere-de
kada-kanunlar birmeňzeşdir». 17 Reb
Musa şeýle diýdi: 18 «Ysraýyllara aýt,
Meniň sizi alyp barýan ýurduma gire-
niňizden soň, 19 şol topragyň çöreginden
iýeniňizde, siz ondan Rebbe sadaka
berersiňiz. 20 Ilkinji ýugran hamyryňyz-
dan bir çöregi edil harmandan sadaka
berşiňiz ýaly edip hödür ediň. 21 Ilkinji
hamyrdan Rebbe berýän bu sadakaňyz
nesiller boýy dowam etsin.

22-23 Eger siz tötänlikde ýalňyşyp,
Rebbiň Musa aýdan bu buýruklaryny –
Rebbiň Musa arkaly size buýran ähli
tabşyryklaryny Rebbiň buýran günün-
den başlap, tä soňky nesilleriňize çenli

---

[a] **15:4** ***Bir küýze*** – ýewreýçe *hiniň dörtden biri*. Bu takm. 1 litre deňdir.
[b] **15:6** ***Bir ýarym küýze*** – ýewreýçe *hiniň üçden biri*. Bu takm. 1,5 litre deňdir.
[ç] **15:9** ***Iki küýze*** – ýewreýçe *bir hiniň ýarysy*. Bu takm. 2 litre deňdir.

berjaý etmeseňiz 24 we bu säwligi halk
tötänlikde goýberen bolsa, onda bütin
halk bir öküzçäni Rebbe ýakymly ysly
ýakma gurbanlygy hökmünde hödür et-
sin. Onuň ýany bilen düzgüne görä galla
we içgi sadakasyny bersinler hem-de
bir tekäni günä gurbanlygy hökmünde
hödür etsinler. 25 Ruhany bütin ysraýyl
halkyny günäsinden saplasyn, şonda
olaryň günäsi geçiler. Çünki halk tötän-
likden günä etdi we olar öz sadakalaryny
Rebbe ot üsti bilen berilýän sadaka hök-
münde hödür etdiler. Öz ýalňyşlyklary
üçin Rebbe günä gurbanlygyny berdiler.
26 Bütin ysraýyl halkynyň hem, olaryň
arasyndaky gelmişekleriň hem günäsi
geçiler, çünki halk tötänlikden günä
gazandy.

27 Eger bir kişi tötänlikden günä etse,
goý, ol günä gurbanlygy üçin birýa-
şar urkaçy çebşi hödür etsin. 28 Ruhany
Rebbiň huzurynda ýalňyşyp günä edeni
günäsinden saplasyn, onuň günäsi ge-
çiler. 29 Tötänlikde günä edip, araňyzda
ýaşaýan asly ysraýyl bolan üçin hem,
gelmişek üçin hem bir kanun bolsun.
30 Emma asly ysraýyl bolan biri ýa-da
gelmişeklerden biri tekepbirlik bilen
günä iş edip, Rebbe dil ýetirse, halkyň
arasyndan kowlup çykarylsyn. 31 Rebbiň
sözüni äsgermän, Onuň tabşyrygyny
bozandygy üçin, beýle adam bütinleý
kowlup çykarylsyn, öz jezasyny çeksin».

### *Sabat güni işlän adam öldürilýär*

32-33 Ysraýyllar çöldeküler, Sabat güni
olar odun ýygyp ýören adamy gördüler
we olar ony tutup, Musa bilen Harunyň
we bütin jemagatyň huzuryna getirdiler.
34 Oňa näme edilmelidigi entek belli bol-
mansoň, olar ony tussag astyna aldylar.
35 Onsoň Reb Musa: «Ol adam ölüme
höküm edilsin. Ony Ysraýyl düşelgesiniň
daşyna çykaryp, bütin jemagat daşlap
öldürsin» diýdi. 36 Düşelgäniň daşyna
çykaryp, edil Rebbiň Musa buýruşy ýaly,
bütin halk ony daşlap öldürdi.

### *Geýimlerdäki gotazlar*

37 Reb Musa şeýle diýdi: 38 «Ysraýyllara
aýt, olar nesilden-nesle geýimleriniň ete-
giniň her burçuna gotazjyk tiksinler we
her bir gotazjyga gök ýüplük goşsunlar.
39 Her gezek gotazjyklara gözüňiz düşen-
de, siz Rebbiň ähli tabşyryklaryny ýada
salarsyňyz we olary berjaý edersiňiz,
ýüregiňiziň we gözleriňiziň islegine
kowalaşmarsyňyz. 40 Şeýdip, Meniň äh-
li tabşyryklarymy ýatda saklap, olary
berjaý edersiňiz we öz Rebbiňiz üçin
mukaddes bolarsyňyz. 41 Hudaýyňyz
Reb Mendirin, Men sizi Müsürden siziň
Hudaýyňyz bolmak üçin alyp çykdym.
Hudaýyňyz Reb Mendirin!»

## 16-njy bap

### *Koranyň, Datanyň we Abyramyň gozgalaňy*

1 Ine, lewi tiresiniň kohat urugyndan
bolan Ýisharyň ogly Kora, ruben tire-
sinden Eliýabyň ogullary Datan bilen
Abyram we Peletiň ogly On dagy 2 Musa
garşy baş göterdiler. Olar jemagatdan
saýlanyp, halk baştutanlary bolan at-
ly-abraýly ysraýyllaryň iki ýüz ellisini
ýanlaryna aldylar. 3 Olar Musa bilen
Harunyň garşysyna ýygnanyp: «Siz juda
öte geçdiňiz! Bütin halk, her bir kişi mu-
kaddesdir, Reb hem olaryň arasyndadyr.
Şonda-da siz özüňizi näme üçin Rebbiň
jemagatyndan ýokary tutýarsyňyz?» diý-
diler. 4 Musa muny eşidip, ýüzin ýykyldy.
5 Soňra ol Kora we onuň toparyna şeýle
jogap berdi: «Özüniň kimdigini, kimiň
mukaddesdigini we Rebbiň ýanyna kime

golaýlaşmaga rugsat edilendigini Ol sä-
her bilen aýan eder. Reb Öz saýlanyna
ýanyna golaý barmaga rugsat eder. 6 Eý,
Kora hem-de onuň ýoldaşlary, tütetgi
gaplaryňyzy alyň. 7 Ertir olaryň içine ot
salyp, Rebbiň huzurynda ýakymly ysly
tütetgi ýakyň. Onsoň Reb kimi saýlasa,
şol hem mukaddes bolar. Siz – lewiler,
juda öte geçdiňiz!» 8 Soňra Musa Kora
ýüzlenip, şeýle diýdi: «Eý, lewiler, maňa
gulak salyň! 9 Ysraýyl Hudaýy sizi ys-
raýyl halkynyň arasyndan saýlap aldy.
Siz Rebbiň mukaddes çadyrynyň hyz-
matyny ederiňiz ýaly we halkyň öňünde
durup olara hyzmat ederiňiz ýaly, Ol
size Özüne ýakynlaşmaga mümkinçilik
berdi. Size indi şu-da azmy? 10 Ol size we
siziň bütin lewi doganlaryňyza Özüne
golaý barmaga rugsat beren bolsa-da,
siz munuň üstesine ruhanylyk wezi-
pesini hem talap edýärmisiňiz?! 11 Sen
ähli ýoldaşlaryň bilen bile Haruna garşy
bolduň, hakykatda bolsa bu siziň Rebbe
garşy boldugyňyzdyr».

12 Musa Eliýabyň ogullary Datan bilen
Abyramy çagyrmaga adam ugratdy. Ýö-
ne olar şeýle jogap berdiler: «Biz barjak
däl! 13 Bizi çölde öldürmek üçin, süýt we
bal akýan Müsür topragyndan çykaryp,
şu ýere getireniňi az görýärmiň? Ýene-de
üstümizden höküm hem sürjek bolýar-
myň? 14 Bizi süýt we bal akýan ýurda
getirmedigiň-ä belli, ýa bolmasa bize
meýdanlary, üzümçilikleri mülk edip
bermediň. Bu adamlaryň näme gözüni
çykarjakmy? Biz barjak däl».

15 Musanyň muňa gaty gahary gelip,
Rebbe: «Olaryň sadakalaryny kabul
etme, men olaryň hiç biriniň göwnü-
ne degmändim, hatda olardan ýekeje
eşek-de almandym» diýdi. 16 Musa Kora
ýüzlenip şeýle diýdi: «Ähli ýoldaşlaryň
ertir Rebbiň huzuryna gelsin, Harun
ikiňizem şol ýere geliň. 17 Her biriňiz
öz tütetgi gaplaryňyza ýakymly ysly
tütetgi salyň, iki ýüz elli kişiniň her
biri öz tütetgi gabyny göterip, Rebbiň
huzuryna gelsin. Harun ikiňizem tü-
tetgi gaplaryňyzy getiriň». 18 Şeýdip,
her kim öz tütetgi gabynda ot ýakyp,
üstüne-de ýakymly ysly tütetgi goýup,
Musa we Harun bilen bile Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň girelgesinde durdu-
lar. 19 Soňra Kora Musa bilen Harunyň
garşysyna çykmak üçin, bütin jemagaty
Rebbe ýüz tutulýan çadyryň girelgesine
ýygnady, şonda bütin jemagata Rebbiň
şöhraty göründi.

20 Reb Musa bilen Haruna şeýle diýdi:
21 «Siz bu jemagatdan bir gyra çekiliň,
Men bulary bir demde ýok edeýin!»
22 Emma Musa bilen Harun ýüzin ýy-
kylyp: «Eý, Hudaý, ähli adamzadyň
gözbaşy bolan Hudaý, bir adam günä
etdi diýip, bütin jemagata gazaplanýar-
myň?» diýdiler.

23 Reb Musa: 24 «Jemagata ýetir, goý,
Koranyň, Datanyň we Abyramyň ça-
dyrlaryndan daşrak çekilsinler» diýdi.
25 Musa ýerinden turup, Datanyň we
Abyramyň ýanyna gitdi, Ysraýyl ýaşu-
lulary-da onuň yzyna düşdüler. 26 Onsoň
Musa halka ýüzlenip: «Ol azgynlaryň
çadyrlarynyň golaýyna barmaň we ola-
ryň hiç bir zadyny-da ellemäň, ýogsam
olaryň günäleri zerarly sizem ýok bo-
larsyňyz» diýdi. 27 Jemagat Koranyň,
Datanyň we Abyramyň çadyrlaryndan
uzaga çekildi. Datan bilen Abyram bol-
sa daş çykyp, aýallary, çagalary bilen
öz çadyrlarynyň girelgesiniň öňünde
durdular. 28 Musa şeýle diýdi: «Bu işle-
riň ähli̇sini etmegim üçin meni Rebbiň
iberenini, meniň özbaşdak hereket et-
meýändigimi siz şu zatlardan bilersiňiz.
29 Eger bu adamlar hem beýlekiler ýaly

öz ajalyna ölseler, onda meni Rebbiň
ibermedigidir. 30 Emma Reb entek gör-
lüp-eşidilmedik bir zat edäýse, ýagny
ýer darka ýarylyp, bu adamlary we olara
degişli zatlaryň hemmesini ýuwutsa, olar
hem diriligine ölüler dünýäsine düşseler,
şonda bu adamlaryň Rebbi äsgermezlik
edendiklerine göz ýetirersiňiz».

31 Musa bu zatlary aýdyp gutaran bady-
na, olaryň astyndaky ýer darka ýaryldy.
32 Ýer agzyny açyp, olary we maşgala-
laryny – Kora degişli bolan adamlaryň
we emlägiň baryny ýuwutdy. 33 Şeýdip,
olar ähli goş-golamlary bilen bile dirili-
gine ölüler dünýäsine düşdüler. Olaryň
yzyndan ýer ýapyldy we olar jemagatyň
arasyndan gaýyp boldular. 34 Olaryň tö-
wereginde duran ähli ysraýyllar bolsa,
olaryň dady-perýadyny eşidenlerinde:
«Ýer bizi-de ýuwudar!» diýşip gaçdylar.
35 Onsoň Rebden bir ot çykyp, ýakymly
ysly tütetgi hödür eden iki ýüz elli kişini
ýakyp ýok etdi.

36 Reb Musa şeýle diýdi: 37 «Ruhany
Harunyň ogly Elgazara aýt, maňňallaryň
mukaddesdigi üçin olary oduň içinden
çykarsyn we olaryň içindäki közleri çet-
de giň edip pytradyp taşlasyn. 38 Jana kast
edip, günä eden bu adamlaryň maňňal-
laryndan bolsa ýukajyk gapaklar ýasaň.
Maňňallar Rebbiň huzuryna eltilensoň,
mukaddes boldular. Goý, olar ysraýyllar
üçin nyşan bolsunlar». 39 Onsoň ruhany
Elgazar ýandyrylan adamlar tarapyn-
dan Rebbiň huzuryna eltilen bürünç
maňňallary alyp, olardan gurbanlyk
sypasyny ýapar ýaly gapaklar ýasatdy.
40 Bu ysraýyllara Harunyň neslinden
bolmadyk kişiniň Rebbiň huzurynda
ýakymly ysly tütetgini hödür etmeli
däldigini, ýogsam Koranyň we onuň
ýoldaşlarynyň gününe düşjekdigini ýat-
ladyp durmak üçindi. Elgazar bularyň
baryny edil Rebbiň Musa arkaly özüne
aýdyşy ýaly etdi.

41 Ýöne ertesi gün Ysraýyl ogullary-
nyň bütin jemagaty Musa bilen Haruna
garşy çykyp: «Rebbiň halkyny siz öl-
dürdiňiz» diýdiler. 42 Jemagat olara garşy
toplananda, Musa bilen Harun Rebbe
ýüz tutulýan çadyra tarap öwrüldiler.
Ine, görseler, ony bulut büräp, Rebbiň
şöhraty göründi. 43 Onsoň Musa bilen
Harun Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
öňüne geldiler. 44 Reb Musa şeýle diýdi:
45 «Bu jemagatyň arasyndan gyra çykyň,
Men bulary bir demde ýok edeýin».
Olar ýüzin ýykyldylar. 46 Musa Haru-
na şeýle diýdi: «Öz tütetgi ýakylýan
gabyňy al, oňa gurbanlyk sypasyndan
köz alyp sal, onuň üstüne-de ýakymly
ysly tütetgini goýup, halky günälerin-
den saplamak üçin, çaltlyk bilen olaryň
arasyna bar. Çünki Rebbiň gahar-gazaby
tutaşdy, gyrgynçylyk başlandy». 47 Harun
Musanyň buýruşy ýaly, tütetgi gabyny
alyp, jemagatyň arasyna ylgap bardy.
Ol gyrgynçylygyň başlanyny görende,
közleriň üstüne ýakymly ysly tütetgi-
ni goýup, halky günäsinden saplady.
48 Harun ölüler bilen dirileriň arasynda
duransoň, gyrgynçylyk togtady. 49 Ko-
ranyň gozgalaňynda ölenlerden başga,
gyrgynçylykdan ölenleriň sany on dört
müň ýedi ýüz adam boldy. 50 Gyrgyn-
çylyk togtadylansoň, Harun Musanyň
ýanyna, Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
girelgesine gaýdyp geldi.

## 17-nji bap

### *Harunyň hasasy*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyllara öz
tire baştutanlarynyň hemmesinden, ýag-
ny her tireden bir hasa – jemi on iki hasa
ýygnap, olary saňa getirip bermeklerini

tabşyr. Olaryň hersiniň atlaryny öz ha-
salaryna ýazyp goý. 3 Harunyň adyny
lewileriň hasasyna ýaz. Çünki her tire
baştutany üçin bir hasa bolmalydyr. 4 Ha-
salary getirip, siziň bilen duşuşýan ýerim
bolan Maňa ýüz tutulýan çadyrdaky Äht
sandygynyň öňünde goý. 5 Meniň saýlan
adamymyň hasasy gögerer, şeýdip, Men
ysraýyllaryň sizden närazylyklarynyň so-
ňuna çykaryn». 6 Musa Rebbiň sözlerini
ysraýyllara ýetirdi. Olaryň tire baştutan-
larynyň hemmesi hasalaryny, her tire
üçin bir hasany – jemi on iki hasany Musa
berdiler. Harunyň hasasy-da şolaryň ara-
syndady. 7 Onsoň Musa hasany getirip,
Rebbiň huzurynda äht çadyrynda goýdy.

8 Ertesi gün Musa äht çadyryna girdi,
görse, ine, lewi tiresiniň beren, Harunyň
ady ýazylan hasasy, hakykatdanam, gö-
geren eken. Onda pyntyklar, güller we
ýetişen badamlar bardy. 9 Onsoň Musa
hasalary Rebbiň huzuryndan alyp, äh-
li ysraýyllaryň öňüne çykardy. Olar
bu ahwalata syn etdiler we her kim öz
hasasyny aldy. 10 Reb Musa şeýle diýdi:
«Harunyň hasasyny yzyna getirip, Äht
sandygynyň öňünde goý. Ol pitneçiler
üçin duýduryş alamaty hökmünde sakla-
nar. Şeýdip, sen olaryň Menden närazy
bolmaklarynyň soňuna çykarsyň, ýog-
sam olar ölerler». 11 Musa hemme zady
edil Rebbiň buýruşy ýaly etdi.

12 Ysraýyllar Musa: «Onda biziň işimiz
gaýdypdyr! Biziň barymyz heläk bola-
rys! 13 Kim Rebbiň mukaddes çadyryna
golaýlaşsa, ol öler. Şeýdip, indi biziň
hemmämiz gyrlaýmalymy?» diýdiler.

## 18-nji bap

### *Ruhanylar bilen lewileriň borçlary*

1 Reb Haruna şeýle diýdi: «Sen, seniň
ogullaryň we urugyňyz bilen bilelikde
mukaddes zatlar bilen baglanyşykly
edilen hata işlere jogapkär bolarsyňyz.
Ruhanyçylyga degişli bolan işlerde hata
goýberilse, oňa diňe sen öz ogullaryň
bilen bile jogapkär bolarsyň. 2 Ogulla-
ryň bilen äht çadyrynyň öňünde hyzmat
edýärkäň, ataňyz Lewiniň tiresinden
bolan ähli dogan-garyndaşlaryňyz size
goşulyp, size hyzmat ederleri ýaly, ola-
ry-da ýanyňa getir. 3 Goý, olar tutuş öýi
gorap, seniň üçin goramak işini ýerine
ýetirsinler. Ýöne olar mukaddes öýüň
enjamlaryna ýa-da gurbanlyk sypasyna
asla golaýlaşmasynlar, ýogsam olaram,
sizem heläk bolarsyňyz. 4 Ýüz tutulýan
çadyryň işini ýerine ýetirmäge onuň
ähli hyzmatyny etmäge sen jogapkär
bolarsyň. Başga bir keseki size ýakyn-
laşmasyn. 5 Mundan beýläk ysraýyllaryň
depesinden gazabym inmez ýaly, mu-
kaddes ýeriň we gurbanlyk sypasynyň
işlerini siziň özüňiz ediň. 6 Size peşgeş
hökmünde, ysraýyllaryň arasyndan lewi
doganlaryňyzy Meniň Özüm saýlap al-
dym. Ýüz tutulýan çadyryň hyzmatyny
ederleri ýaly, olar Maňa bagyş edilendir.
7 Emma sen ogullaryň bilen gurbanlyk
sypasyna, iň mukaddes otaga degişli iş-
leriň ählisini yhlas bilen berjaý etmelisiň.
Ruhanylygy size Men peşgeş berdim.
Sizden başga oňa kim golaýlaşsa, onuň
jezasy ölümdir».

### *Ruhanylaryň paýy*

8 Reb Haruna şeýle diýdi: «Maňa ber-
len sadakalara göz-gulak bolmagy saňa
tabşyrdym. Ysraýyllaryň ähli mukaddes
sowgatlaryny ruhanyçylyk paýyňyz
hökmünde saňa we seniň ogullaryňa
ebedilik berdim. 9 Iň mukaddes sadaka
hökmünde otda ýakylmaýan zatlardan
şular siziňki bolar: olaryň iň mukaddes
zat hökmünde Maňa hödür edýän her

bir sadakasy, galla sadakasymy, günä
gurbanlygymy ýa ýazyk gurbanlygy-
my, parhy ýok, bular saňa we seniň
ogullaryňa degişlidir. 10 Olary siz iň
mukaddes zat hökmünde iýmelisiňiz,
hemme erkekler olardan iýip bilerler. Bu-
lar siziň üçin mukaddesdir. 11 Ine, bular
hem siziňkidir: hödür edilen sowgatlary
we ysraýyllaryň göterme sadakasy hök-
münde berlen sadakalary Men saňa we
seniň ogul-gyzlaryňa ebedilik paý edip
berdim. Seniň maşgalaňdaky her bir
tämiz adam olardan iýip biler. 12 Ola-
ryň Rebbe hödür edýän iň oňat zeýtun
ýagyny, iň oňat şerabyny we bugdaýyny,
iň oňat önümlerini size berdim. 13 Olaryň
topragyndan önen ilkinji hasylyndan
Rebbe getirilenleriniň hemmesi siziňki
bolar. Seniň maşgalaňdaky her bir tä-
miz adam ondan iýip biler. 14 Ysraýylda
Rebbe aýry goýlan hemme zat seniňki
bolar. 15 Ynsan bolsun, haýwan bolsun,
parhy ýok, Rebbe hödür edilýän her
jandaryň ilkinji erkek doglan çagasy
seniňki bolar. Emma ynsanyň we haram
mallaryň ilkinji erkek doglan çagasyny
yzyna satyn almalysyň. 16 Çagalar bir aý-
lyk bolanda, yzyna satyn almak bahasy
mukaddes öýüň resmi ölçegi boýunça
bäş şekel kümüş bolsun. Bir şekel iki
mysgala[a] deňdir. 17 Ýöne sygryň, goý-
nuň, geçiniň ilki guzlanlary üçin töleg
alma, olar mukaddesdirler. Olaryň ga-
nyny gurbanlyk sypasyna tarap serpip,
ýagyny-da Rebbe ot üsti bilen berilýän
ýakymly ysly gurbanlyk hökmünde otda
ýak. 18 Göterme sadakasynyň döşi we
sag budy ýaly, sygryň, goýnuň, geçiniň
ilki guzlanlarynyň eti hem seniňki-
dir. 19 Ysraýyllaryň Rebbe hödür edýän
ähli mukaddes sadakalaryny saňa we
seniň ogul-gyzlaryňa ebedilik paý hök-
münde berdim. Bu seniň we nesilleriň
bilen Meniň eden müdimilik ähtimdir».
20 Soňra Reb Haruna şeýle diýdi: «Ola-
ryň topragynda seniň mülküň bolmaz,
olaryň arasyndan saňa paý berilmez.
Ysraýyllaryň arasyndaky seniň paýyň
we mülküň Mendirin.

### *Lewileriň paýy*

21 Lewilere Rebbe ýüz tutulýan çadyr-
da edýän hyzmatlarynyň öwezine paý
hökmünde ysraýyllaryň Maňa berýän
hemme ondan birini berdim. 22 Mundan
beýläk ysraýyllar Rebbe ýüz tutulýan
çadyra golaýlaşmasynlar, ýogsam olar
günäleri üçin jeza çekip ölerler. 23 Rebbe
ýüz tutulýan çadyryň hyzmatyny lewiler
etsinler, olar öz hata işlerine jogapkär
bolarlar. Bu size nesiller boýy ebedilik
parz bolsun. Ýöne ysraýyllaryň arasynda
lewileriň mülki bolmaz. 24 Sebäbi Men
lewilere paý edip, ysraýyllaryň Maňa
sadaka hökmünde berýän ondan birini
berdim». Şonuň üçin hem, Men lewilere
ysraýyl halkynyň arasyndan miras ber-
merin diýdim. 25 Onsoň Reb Musa şeýle
diýdi: 26 «Lewilere aýt, olara paý hök-
münde beren ondan birimi ysraýyllardan
kabul edip alanlarynda-da, ondan Maňa
sadaka edip, ondan birleriň ondan birini
bersinler. 27 Bu olar üçin täze harmandan
berlen galla ýa-da täze şerap sadakasy
bilen deň hasap ediler. 28 Şeýdip, olar
hem ysraýyllardan alýan ondan birin-
den Rebbe sadaka bersinler we Rebbiň
sadakasyny ruhany Haruna bersinler.
29 Lewilere berilýän sowgatlardan Rebbiň
sadaka paýyny bersinler. Hemmesiniň iň
gowusyny Rebbiň mukaddes paýy hök-
münde bersinler. 30 Lewilere ýene şuny

[a] **18:16** ***Iki mysgal*** – ýewreýçe *ýigrimi gera*. Bu takm. 10 gr deňdir.

aýt: daýhanyň sadaka bereninden soň
galanyny özüne alşy ýaly, lewiler hem
sadakanyň iň gowusyny hödür edenlerin-
den soň galanyny özlerine alsynlar. 31 Olar
we olaryň maşgalalary ony islendik ýerde
iýip bilerler. Çünki ol Rebbe ýüz tutulýan
çadyrda lewileriň edýän hyzmatynyň
hakydyr. 32 Onuň iň gowusyny sadaka
bereniňizden soň, ondan iýseňiz, ýazykly
bolmarsyňyz. Emma ysraýyllaryň ber-
ýän mukaddes sowgatlarynyň iň gowy
bölegi sadaka berilmänkä iýip, harama
çykarmaň, ýogsam ölersiňiz».

## 19-njy bap

### *Tämizleýiş suwy*

1 Reb Musa bilen Haruna şeýle diýdi:
2 «Rebbiň buýran kanunyndaky parz
şudur: ysraýyllar size gurat, şikessiz,
boýnuna boýuntyryk salynmadyk bir
gyzyl sygyr getirsinler. 3 Ony siz ruhany
Elgazara berersiňiz. Sygry Ysraýyl dü-
şelgesiniň daşyna alyp çykyp, Elgazaryň
öňünde soýsunlar. 4 Ruhany Elgazar onuň
ganyna barmagyny batyryp, Rebbe ýüz
tutulýan çadyryň öňüne tarap ýedi gezek
sepelesin. 5 Soňra sygyr derisi, eti, ga-
ny we içgoşy bilen bilelikde Elgazaryň
gözüniň alnynda ýakylsyn. 6 Ruhany bir
bölek kedr agajyny, käkilik otuny, gy-
zyl reňkli sapak alsyn-da, olary sygry
ýakyp duran oda atsyn. 7 Onsoň ruhany
geýimlerini ýuwsun we suwa düşsün,
şondan soň ol Ysraýyl düşelgesine girip
biler. Emma ol agşama çenli haramdyr.
8 Sygry oda ýakan adam hem geýimle-
rini ýuwsun we suwa düşsün. Ol hem
agşama çenli haramdyr. 9 Onsoň sygryň
külüni tämiz adamlaryň biri ýygnap
alyp, düşelgäňiziň daşynda halal ýerde
goýsun. Bu kül ysraýyl halky üçindir, ol
tämizlik suwy üçin saklansyn. Bu günä
gurbanlygynyň bir görnüşidir. 10 Syg-
ryň külüni ýygnan adam geýimlerini
ýuwsun, ol agşama çenli haramdyr. Bu
ysraýyllar üçin we olaryň arasynda ýaşa-
ýan gelmişekler üçin ebedilik düzgündir.
11 Jesede degen kişi ýedi günläp ha-
ramdyr. 12 Üçünji we ýedinji günlerde
ol özüni tämizlik suwy bilen tämizlesin,
şonda ol tämizlener. Emma ol özüni
üçünji we ýedinji günlerde tämizleme-
se, tämiz bolmaz. 13 Jesede galtaşandan
soň, özüni tämizlemedik adam Rebbiň
mukaddes çadyryny haram eder. Beýle
adam Ysraýyldan kowlup çykarylsyn.
Onuň üstüne tämizlik suwy sepil-
mändir, şonuň üçin ol haramlygyna
galypdyr, onuň haramlygy entegem onuň
boýnundadyr.
14 Eger çadyrda biri ölse, şu kada ula-
nylsyn: çadyryň içindäki we şol wagt
çadyra giren her bir adam ýedi gün haram
hasaplansyn. 15 Çadyryň içindäki agzy
açyk bolan hemme gaplary haram bolar.
16 Eger kimde-kim meýdanda gylyçdan
ölen ýa öz ajalyna ölen adamyň jesedine,
ýa-da adam süňküne ýa mazaryna galtaş-
sa, ol ýedi gün haram saýylar. 17 Haram
saýylan adam üçin ýakylan günä gurban-
lygynyň külünden bir gaba salyp, onuň
üstüne çeşme suwuny guýuň. 18 Onsoň tä-
miz adamlardan biri käkilik otuny suwa
batyryp, çadyryň, onuň içindäki esbapla-
ryň üstüne sepelesin. Şeýle-de ol ýerdäki
adamlaryň we meýdanda gylyçdan ölen
ýa öz ajalyna ölen adamyň jesedine, ýa-
da adam süňküne ýa mazaryna galtaşan
kişiniň üstüne sepelesin. 19 Tämiz adam
haram kişileriň üstüne suwy üçünji we
ýedinji günler sepelesin. Ýedinji gün olar
tämizlenerler. Soňra olar geýimlerini
ýuwsunlar we suwa düşsünler, agşama
çenli olar tämizlenerler. 20 Emma ha-
ram bolubam özüni tämizlemeýänler

jemagatyň arasyndan kowlup çykarylsyn.
Çünki olar Rebbiň mukaddes öýüni ha-
ram edendirler. Olaryň üstüne tämizlik
suwunyň sepilmändigi üçin, olar haram-
dyrlar. 21 Bu olar üçin ebedilik düzgün
bolsun. Tämizlik suwuny sepýän adam
geýimlerini ýuwsun. Tämizlik suwuny
ellän adam agşama çenli haramdyr. 22 Ha-
ram adamyň her bir ellän zady-da haram
bolar. Haram adamy ellän kişi-de agşama
çenli haramdyr».

## 20-nji bap

### *Gaýadan çykan suw*

1 Bütin ysraýyl jemagaty birinji aýda
Sin çölüne geldi. Halk Kadeşde düşle-
di. Ol ýerde Merýem aradan çykdy we
jaýlandy. 2 Olaryň düşlän ýerinde suw
ýokdy, onsoň jemagat Musa bilen Ha-
runyň garşysyna toplandy. 3 Olar Musa
bilen dawalaşyp, şeýle diýdiler: «Reb-
biň huzurynda dogan-garyndaşlarymyz
ölende, biz hem gyrlan bolsak gowy
bolardy! 4 Näme üçin siz Rebbiň halkyny
bu çöl-beýewana alyp geldiňiz? Bizi we
mal-garalarymyzy bu ýere gyrmak üçin
getirdiňizmi? 5 Näme üçin siz bizi bu ýo-
wuz ýere Müsürden alyp gaýtdyňyz? Bu
ýerde ne ekin, ne injir, ne üzüm, ne-de
nar biter, munda hatda içmäge suwam
ýok ahyryn!» 6 Onsoň Musa bilen Harun
jemagatyň öňünden gitdiler we Rebbe
ýüz tutulýan çadyryň girelgesine baryp,
ýere ýüzin ýykyldylar. Rebbiň şöhraty
bulara göründi. 7 Reb Musa şeýle diýdi:
8 «Hasany al we doganyň Harun bilen hal-
ky ýygna. Onsoň olaryň gözüniň alnynda
gaýa: „Suw ber!“ diýip buýruk ber. Şeý-
dip, halka gaýadan suw çykaryp berersiň
we olaryň mallaryny suwa ýakarsyň».
9 Musa Rebbiň buýruşy ýaly baryp, ha-
sany aldy. 10 Onsoň Musa Harun bilen
bile halky gaýanyň öňüne ýygnap, olara:
«Gulak goýuň, eý, pitneçiler! Biz indi si-
ziň üçin şu gaýadan suw çykarmalymy?»
diýdi. 11 Soňra Musa elini ýokary galdy-
ryp, hasasy bilen gaýany iki gezek urdy
welin, gaýadan şaglap, suw akyp başlady.
Bütin halk we olaryň mallary suwdan
gandylar. 12 Emma Reb Musa bilen Haru-
na: «Maňa doly ynanman, ysraýyllaryň
gözüniň alnynda Meniň mukaddesligimi
ykrar etmändigiňiz üçin, siz bu jemagaty
olara beren ýurduma getirip bilmersiňiz»
diýdi. 13 Ysraýyl halky bu ýerde Reb bilen
dawa edeni üçin, bu suwuň çykan ýerine
Meriba[a] diýip at berildi. Ol ýerde Reb Öz
mukaddesligini görkezdi.

### *Edomdan geçmäge rugsat berilmeýär*

14 Musa Kadeşden Edomyň patyşasyna
şu habar bilen ilçiler ýollady: «Doganla-
ryňyz ysraýyl halky şeýle diýýär: „Biziň
başymyzdan inen ähli kynçylyklardan
habaryňyz bardyr. 15 Atalarymyz Müsüre
gitdiler we ol ýerde uzak wagtlap ýaşa-
dylar. Müsürliler bizi we atalarymyzy
ezdiler. 16 Biz Rebbe dady-perýat etdik.
Ol biziň sesimizi eşitdi we Öz perişdesini
iberip, bizi Müsürden çykardy. Ine, indi
biz Kadeşde – siziň serhediňize golaý şä-
herçede durus. 17 Bize ýurduňyzyň içinden
geçip gitmäge rugsat ber. Biz ekinle-
riň ýa üzümçilikleriň içinden ýöremeris
ýa-da guýularyňyzdan suw içmeris. Tä
siziň ýurduňyzdan çykýançak, saga-so-
la sowulman, diňe şaýoldan ýöräris“».
18 Emma edomlylar şeýle jogap berdiler:
«Ýurdumyzyň içinden geçmersiňiz, eger
geçjek bolup synanyşaýsaňyz gylyç alyp,
garşyňyza çykarys». 19 Ysraýyllar: «Biz

[a] **20:13** ***Meriba*** – bu söz *dawa* diýmegi aňladýar.

şaýoldan çykman ýöräris, eger biz we
biziň mallarymyz siziň suwuňyzdan
içäýsek, biz onuň üçin töleg töläris. Bi-
ze diňe pyýada geçip gitmäge rugsat
berseňiz bolýar» diýdiler. 20 Ýöne olar:
«Ýok, geçmersiňiz!» diýip jogap berdiler.
Onsoň edomlylar agyr ýaraglanan uly
goşun bilen olaryň garşysyna çykdylar.
21 Edomlylar geçmäge ýol bermänsoňlar,
ysraýyllar ol ýerden sowlup geçdiler.

### *Harunyň ölümi*

22 Bütin ysraýyl halky Kadeşden gö-
çüp, Hor dagyna gelip düşdi. 23 Onsoň
Reb Musa bilen Haruna Hor dagynda,
Edom topragynyň serhedinde şeýle diý-
di: 24 «Harunyň ölüp, öz ata-babalaryna
gowuşmaly wagty ýetdi. Ol ysraýyllara
wada beren ýurduma girmez, sebäbi siz
Meriba çeşmesiniň ýanynda Meniň buý-
rugyma boýun egmändiňiz. 25 Haruny we
onuň ogly Elgazary ýanyňa al-da, olary
Hor dagyna çykar. 26 Harunyň egninden
ruhanylyk lybaslaryny çykaryp, olary
ogly Elgazara geýdir. Harun bolsa şol
ýerde ölüp, öz ata-babalaryna gowşar».
27 Musa Rebbiň buýruşy ýaly etdi. Ähli
halkyň gözüniň alnynda olar Hor dagy-
na çykdylar. 28 Musa Harunyň egninden
ruhanylyk lybaslaryny çykaryp, onuň
ogly Elgazara geýdirdi. Harun bolsa
şol ýerde, dagyň depesinde jan berdi.
Musa bilen Elgazar dagdan düşdüler.
29 Harunyň ölendigini gören bütin ysraýyl
halky otuz günläp onuň üçin ýas tutdy.

## 21-nji bap

### *Ysraýyllar aratlylary ýok edýär*

1 Negep çölündäki Arat galasynyň ken-
gan hany ysraýyllaryň Atarym ýolundan
gelýändigini eşidende, ol ysraýyllar bi-
len urşup, olaryň birnäçesini ýesir aldy.
2 Şonda ysraýyllar Rebbe wada berip:
«Eger hakykatdan hem bu halky biziň
elimize berseň, olaryň galalaryny Sa-
ňa aýry goýlandygy üçin bütinleý ýok
ederis» diýdiler. 3 Reb ysraýyl halkynyň
sesini eşitdi we kenganlary olaryň eline
berdi. Ysraýyllar olary gyryp, olaryň
galalaryny-da bütinleý ýok etdiler. Şon-
dan soň ol ýere Horma[a] diýen at galdy.

### *Bürünç ýylan*

4 Onsoň ysraýyllar Hor dagyndan gö-
çüp, Edom ýurdunyň daşyndan aýlanyp
ötmek üçin, Gyzyl deňziň ýoly bilen git-
diler. Emma ýolda halk sabyrsyzlyk etdi.
5 Olar Hudaýyň we Musanyň garşysyna:
«Bizi Müsürden çölde gyrylmagymyz
üçin alyp gaýtdyňyzmy? Bu ýerde ne
çörek, ne-de suw bar. Bu tagamsyz iý-
mitden-de halys irdik» diýdiler. 6 Reb
muňa jogap edip, halkyň arasyna zäherli
ýylanlar iberdi. Olaryň zäherinden ysra-
ýyllardan köp adam öldi. 7 Halk Musanyň
ýanyna gelip: «Rebbe we saňa dil ýetirip,
biz günä iş etdik. Ýylanlary aramyzdan
aýrar ýaly, Rebden dileg et» diýdiler.
Musa halk üçin dileg etdi. 8 Reb Musa:
«Bir zäherli ýylanyň şekilini ýasa we
ony uzyn syrygyň ujuna berkit. Ýylan
çakan adam oňa sereden badyna saga-
lar» diýdi. 9 Onsoň Musa sap bürünçden
ýylan ýasap, ony syrygyň ujuna berkitdi.
Her bir ýylan çakan adam oňa sereden
badyna sagalyp, diri galardy.

### *Mowaba tarap ýöriş*

10 Ysraýyllar göçdüler we gelip, Obot-
da düşlediler. 11 Soňra Obotdan göçüp,
Mowabyň gündogaryndaky çöllükde,

---

[a] **21:3** Ýewreýçe *Horma* we *bütinleý ýok etdiler* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

Iýeý Abarymda düşlediler. 12 Ol ýerden
hem Zeret deresine göçüp bardylar. 13 Ol
ýerden hem göçüp, Arnon jülgesiniň
aňyrsynda, amorlaryň serhedinden bäri
ýaýylyp ýatan çöllükde düşlediler. Arnon
jülgesi Mowap bilen Amoryň arasyndan
geçýän Mowabyň serhedi bolup hyzmat
edýärdi. 14-15 Şeýdip, «Rebbiň söweşleri
kitabynda» Supa ülkesindäki Wahep
galasy hakynda, Arnon dereleriniň ýap-
gytlary hakynda, Mowabyň serhediniň
boýy bilen Ar galasyna çenli ýaýylýan
bu dereleriň ýapgytlary hakynda hem
ýatlanylýar.

16 Ysraýyllar ol ýerden Beýere [a], Rebbiň
Musa: «Halky bir ýere ýygna, olara suw
berjek» diýen guýusyna tarap ýola düş-
düler. 17 Şonda olar şu aýdymy aýtdylar:

«Suwlaryň joşsun, eý, guýy!
Munuň şanyna aýdym
aýdalyň!
18 Patyşalyk hasasy bilen,
soltanlyk naýzasy bilen,
baştutanlaryň açdy bu guýyny,
halk şazadalary gazdy bu
guýyny».

Olar çöllükden Matana çenli, 19 Mata-
nadan Nahalyýele çenli, Nahalyýelden
Bamota, 20 Bamotdan bolsa çölüň üstüne
abanyp duran Pisga dagynyň depesi bi-
len Mowap topragynda ýerleşýän jülgä
çenli gitdiler.

### *Ysraýyllar Sihon hanynyň ýerlerini eýeleýärler*
*(Kanun taglymaty 2:26 – 3:11)*

21 Soňra ysraýyllar amorlaryň hany Si-
hona ilçiler ýollap, şeýle diýdiler: 22 «Bize
ýurduňyzyň içinden geçip gitmäge rug-
sat ber. Biz ekinleriň ýa üzümçilikleriň
içine sowulmarys ýa-da guýularyňyzdan
suw içmeris. Biz tä siziň ýurduňyz-
dan çykýançak, diňe şaýoldan ýöräris».
23 Emma Sihon öz ýurdunyň içinden ge-
çip gitmäge ysraýyllara rugsat bermedi.
Ol bütin goşunyny ýygnap, ysraýyllaryň
garşysyna çöle çykdy we Ýahasa gelip,
olar bilen söweşe girdi. 24 Ysraýyllar Si-
hony gylyçdan geçirip, onuň Arnondan
Ýaboga çenli, tä Ammonyň serhedine
çenli bolan ýerleriniň baryny eýelediler.
Ammonyň serhedi bolsa güýçli goralýar-
dy. 25 Ysraýyllar amorlaryň galalarynyň
hemmesini basyp aldylar. Olar amorla-
ryň ähli galalarynda, hatda Heşbonda
we onuň ähli obalarynda ornaşdylar.
26 Heşbon galasy amorlaryň hany Siho-
nyň paýtagt galasydy. Sihon Mowabyň
öňki hany bilen urşup, onuň Arnona
çenli bolan ähli ýerlerini basyp alypdy.
27 Bu hakda bagşylar şeýle diýýärler:

«Heşbona geliň, goý, ol gurulsyn,
goý, Sihon galasy dikeldilsin.
28 Çünki Heşbondan ot,
Sihonyň galasyndan ýalyn
çykdy.
Mowabyň Ar galasyny ýalyn
gurşady,
Arnon depelerini-de,
ýuwutdy ol.
29 Waý, saňa, eý, Mowap!
Siz heläk bolduňyz, eý, Kemoş [b]
halky!
Ogullaryňyz bosgunlara öwrüldi,
gyzlaryňyz amor hany Sihonyň
ýesiri boldular.
30 Şeýdip, biz olary ýer bilen ýegsan
etdik.
Heşbondan Dibona barýançak
gyryldylar.

[a] **21:16** ***Beýer*** – bu söz *guýy* diýmegi aňladýar.
[b] **21:29** ***Kemoş*** – mowaplaryň hudaýy.

Meýdeba uzalýan Nopa çenli
olary ýok etdik».
31 Şunlukda, ysraýyllar amorlaryň
ýurdunda ornaşdylar. 32 Musa Ýazer
galasyny gözden geçirmek üçin, iça-
lylar ugratdy. Soňra ysraýyllar onuň
töweregindäki obalary basyp aldylar we
ol ýerdäki amorlary kowup çykardylar.

### *Ysraýyllar Og hanyň ýurduny eýeleýärler*

33 Soňra ysraýyllar Başan ýurduna
tarap ýoluny dowam etdirdiler. Başan
hany Og ysraýyllar bilen söweşmek üçin,
Edreý galasynda ähli urşujylary bilen
olaryň garşysyna çykdy. 34 Reb Musa:
«Men Ogy, onuň ähli halkyny we ýur-
duny seniň eliňe berdim. Ondan gorkma.
Heşbonda hanlyk süren amor hany Si-
hony ýok edişiň ýaly, Ogy hem ýok et»
diýdi. 35 Ysraýyllar Ogy, onuň ogullaryny
we bütin goşunyny ýekeje adam goýman
gyryp, onuň ýurduny eýelediler.

## 22-nji bap

### *Mowap patyşasy Bilgamy çagyrdýar*

1 Ysraýyllar ýola düşüp, Iordan derýa-
synyň boýunda, Ýerihonyň garşysynda
ýerleşýän Mowap düzlüginde düşlediler.
2 Ysraýyllaryň amorlaryň başyna salan
ähli işlerinden Sipor ogly Ballagyň haba-
ry bardy. 3 Mowaplylar ysraýyl halkynyň
köpdügini görenlerinde, juda gorkdular.
Şeýdip, mowaplylar ysraýyllar sebäpli
dowla düşdüler. 4 Onsoň mowaplylar
Midýan ýaşulularyna şeýle habar ýol-
ladylar: «Öküziň meýdandaky otlary
ýalmap-ýuwudyşy ýaly, bu gelýän mähel-
le hem töwerek-daşymyzdaky zatlaryň
hemmesini ýalmap-ýuwudar».
Ol wagtlar Sipor ogly Ballak Mowabyň
patyşasydy. 5 Ballak Begor ogly Bilgamy
çagyrmak üçin çaparlar ýollady. Bilgam
Ýewfrat derýasynyň boýunda, Petorda
öz tohum-tijiniň arasynda ýaşaýardy.
Ballak Bilgama: «Müsürden bir halk
çykyp gelip, bütin ýer ýüzüne ýaýrady.
Ine, indi olar meniň alkymyma dykylyp
geldiler. 6 Şonuň üçinem gelip, olary me-
niň haýryma näletle. Çünki olar menden
güýçli, belki şondan soň men olary ýeňip,
ýurtdan kowup çykaryp bilerin. Çünki
seniň ýalkanyňyň ýalkanýandygyny, nä-
letläniňiň bolsa näletlenýändigini men
bilýärin» diýip habar iberdi.
7 Onsoň Mowabyň we Midýanyň ýa-
şululary ellerine nälet üçin töleg hakyny
alyp, Bilgamyň ýanyna gitdiler we Bal-
lagyň habaryny oňa ýetirdiler. 8 Bilgam
olara: «Gijäni şu ýerde geçiriň, Reb
maňa näme diýse, men ony size ýetire-
rin» diýdi. Şeýdip, mowaply emeldarlar
Bilgamyň ýanynda galdylar. 9 Hudaý
Bilgama görnüp: «Seniň ýanyňdaky
adamlar kim?» diýip sorady. 10 Bilgam
Hudaýa şeýle jogap berdi: «Mowap pa-
tyşasy Sipor ogly Ballak maňa şeýle
habar iberdi: 11 „Müsürden bir halk çykyp,
bütin ýer ýüzüne ýaýrady. Sen gel-de,
meniň haýryma olary näletle, belki şon-
dan soň men olaryň garşysyna söweşip
bilerin we kowup çykararyn“». 12 Emma
Hudaý Bilgama: «Sen bular bilen gitme!
Bu halky näletleme, çünki ol halk ýal-
kanandyr!» diýdi. 13 Bilgam ertesi turup,
Ballagyň emeldarlaryna: «Öz ýurduňyza
dolanyň, sebäbi Reb maňa siziň bilen
gitmäge rugsat bermedi» diýdi. 14 Onsoň
mowaply emeldarlar Ballagyň ýanyna
dolanyp gelip, oňa: «Bilgam biziň bilen
gaýtmaga razy bolmady» diýdiler.
15 Ballak bolsa indi öňkülerden-de has
köp we has abraýly emeldarlaryny iber-
di. 16 Olar gelip, Bilgama şeýle diýdiler:
«Sipor ogly Ballak şeýle diýýär: „Haýyş

edýärin, meniň ýanyma gelmekden ýüz
öwürmesene. 17 Çünki men seniň sy-
lag-serpaýyňy ýetirip, göwnüňiň islän
zadyny bitirerin. Sen diňe gel-de, me-
niň üçin şol halky näletle“». 18 Bilgam
Ballagyň adamlaryna şeýle jogap berdi:
«Ballak hatda öz öýündäki altyn-kümşüň
baryny berse-de, men Hudaýym Rebbiň
emrini bozup, hiç hili uly ýa-da kiçi iş
edip bilmerin. 19 Gowusy siz hem bu gije
şu ýerde galyň. Men Rebbiň maňa ýene
näme diýjegini bileýin». 20 Şol gije Hudaý
Bilgama görnüp, oňa: «Eger bu adamlar
seni çagyrmak üçin gelen bolsalar, sen
olar bilen git, ýöne diňe Meniň aýdan-
larymy edersiň» diýdi. 21 Onsoň Bilgam
ertesi irden turup, eşegini gaňňalady-da,
mowaply emeldarlar bilen ýola düşdi.

### *Bilgam, onuň eşegi we perişde*

22 Bilgam emeldarlar bilen gidende,
Hudaýyň gahary geldi. Onsoň Rebbiň
perişdesi Bilgama päsgel bermek üçin,
onuň ýolunda durdy. Bilgam eşegini
münüp barýardy we onuň iki hyzmat-
käri-de ýanyndady. 23 Eşek eli syrylan
gylyçly, ýoluň üstünde duran Rebbiň
perişdesini gören badyna ýoldan sow-
lup, atyzyň içine tutdurdy. Bilgam bolsa
eşegi ýola çykarjak bolup saýgylama-
ga başlady. 24 Onsoň Rebbiň perişdesi
üzümçiligiň içinden geçýän iki gapdaly
diwar bolan darajyk ýodanyň ugrunda
peýda boldy. 25 Eşek Rebbiň perişdesini
görüp, diwara tarap gysyldy. Bilgamyň
aýagy-da diwar bilen aralykda gysy-
lyp galdy we ol ýene-de eşegi saýgylap
başlady. 26 Rebbiň perişdesi ýene öňe
gidip, indi ýodanyň ne saga, ne-de çepe
öwrülip bolýan dar ýerinde peýda bol-
dy. 27 Eşek bu gezek Rebbiň perişdesini
görüp, Bilgamyň astynda aşak çöküp
ýatyberdi. Muňa Bilgamyň gaty gahary
gelip, hasasy bilen ol janawary urmaga
başlady. 28 Onsoň Reb eşege dil bitirdi
we eşek Bilgama: «Meni üç gezek beý-
le ýenjer ýaly, men saňa näme etdim?»
diýdi. 29 Bilgam eşege: «Sebäbi sen meni
däliretdiň! Eger elimde gylyç bolsady,
seni häziriň özünde öldürerdim!» di-
ýip jogap berdi. 30 Şonda eşek Bilgama:
«Men seniň bütin ömrüňe münüp ýören
eşegiň dälmi näme? Heý, mundan ozal
şeýle gylyk görkezipmidim?» diýdi. Bil-
gam: «Ýok» diýip jogap berdi.

31 Mundan soň Reb Bilgamyň gözü-
ni açdy. Ol eli syrylan gylyçly Rebbiň
perişdesiniň ýolda durandygyny gördi.
Bilgam tagzym edip, özüni ýüzinligine
ýere goýberdi. 32 Rebbiň perişdesi oňa
şeýle diýdi: «Näme üçin sen eşegiňi üç
gezek urduň? Men duşman hökmünde
saňa päsgel bermek üçin çykdym, sebäbi
sen Meniň nazarymda gabahat ýoldan
barýarsyň. 33 Eşek Meni gördi we üç
sapar Meniň öňümden sowuldy. Eger
ol sowulmadyk bolsa, hakykatdan hem
Men seni öldürerdim, ony bolsa diri
galdyrardym». 34 Onsoň Bilgam Rebbiň
perişdesine: «Men günä etdim, Seniň
garşymda ýolda duranyňy bilmändirin.
Indi Sen eger meniň gitmegimi oňla-
maýan bolsaň, men öýüme gaýdaýyn»
diýdi. 35 Rebbiň perişdesi Bilgama: «Bu
adamlar bilen git, ýöne diňe Meniň aýt
diýen zatlarymy aýdarsyň» diýdi. Onsoň
Bilgam Ballagyň emeldarlary bilen gitdi.

36 Ballak Bilgamyň gelendigini eşi-
dende, ony garşylamak üçin, Arnon
jülgesiniň golaýynda, serhediň iň çet-
ki nokadynda ýerleşýän Mowabyň
Ar galasyna gitdi. 37 Ballak Bilgama:
«Seni çagyrtmak üçin adam iberme-
dimmi?! Näme üçin sen meniň ýanyma
gelmediň? Megerem, özüňe mynasyp
hezzet-hormat edip bilmez öýdensiň?»

diýdi. 38 Bilgam Ballaga: «Ine, men se-
niň ýanyňa geldim! Mende näme bir zat
aýtmaga güýç barmydyr? Men diňe Hu-
daýyň agzyma salan sözlerini sözlärin»
diýdi. 39 Onsoň Bilgam Ballak bilen ýola
çykyp, Kirýathusota geldiler. 40 Ballak
öküzleri we goýunlary gurbanlyk be-
rip, olary Bilgama we onuň ýanyndaky
emeldarlaryna iberdi.
41 Ertesi gün Ballak Bilgamy alyp, ony
Bamotbagala getirdi. Ol ýerden Bilgam
ysraýyl halkynyň bir bölegini görüp
bilýärdi.

## 23-nji bap

### *Bilgama gelen ilkinji aýanlyk*

1 Onsoň Bilgam Ballaga: «Maňa şu
ýerde ýedi sany gurbanlyk sypasyny
gur-da, ýedi öküz bilen ýedi sany goçy
taýýarlap goý» diýdi. 2 Ballak Bilgamyň
aýdyşy ýaly etdi. Onsoň Ballak bilen
Bilgam her gurbanlyk sypasynda bir
öküzi we bir goçy gurbanlyk berdiler.
3 Soňra Bilgam Ballaga: «Sen bu ýerde
öz ýakma gurbanlygyňyň ýanynda dur,
men gideýin. Ähtimal, Reb maňa gör-
ner we Ol maňa näme diýse, men ony
saňa ýetirerin» diýip, ol depä çykdy.
4 Hudaý Bilgam bilen duşuşdy we Bil-
gam Oňa: «Men ýedi sany gurbanlyk
sypasyny taýýarladym we olaryň her
biriniň üstünde bir öküz bilen bir goçy
gurbanlyk berdim» diýdi. 5 Reb Bilga-
myň agzyna aýtmaly sözlerini salyp:
«Ballagyň ýanyna bar we oňa şulary aýt»
diýdi. 6 Bilgam Ballagyň ýanyna gaýtdy.
Ballak Mowabyň ähli emeldarlary bilen
öz ýakma gurbanlyklarynyň ýanynda
durdy. 7 Onsoň Bilgam Hudaýdan gelen
aýanlygy habar berip, şeýle diýdi:
«Mowap patyşasy Ballak meni
gündogardaky daglardan,
Siriýa ýurdundan getirip, şeýle
diýdi:
„Gel, meniň üçin Ýakuby näletle,
gel-de, Ysraýyla garga!“
8 Hudaýyň näletlemedigini men
nädip näletläýin?
Rebbiň gargamadygyna men
nähili gargaýyn?
9 Gaýalaryň depesinden men
Ysraýyly görýärin.
Baýyrlardan men oňa bakyp
durun.
Ine, aýry ýaşaýan bir halkdyr ol,
milletler arasynda aýry
hasaplanýar.
10 Ýakubyň nesillerini kim sanap
biler?
Ysraýylyň dörtden birini kim
hasaplap biler?
Maňa-da dogruçyl adamlaryň
ölüşi dek ölmäge,
ömrümiň ysraýylyňky deý
gutarmagyna rugsat et!»
11 Onsoň Ballak Bilgama: «Sen meni
nädäýdiň? Duşmanlaryma nälet okasyn
diýip, seni ýörite şu ýere getirtdim. Sen
bolsa olara hiç zat etmän, gaýtam, olary
ýalkaýarsyň!» diýdi. 12 Bilgam oňa: «Men
diňe seresaplylyk bilen Rebbiň agzyma
salan sözlerini aýtmaýarynmy näme?»
diýip jogap berdi.

### *Bilgama gelen ikinji aýanlyk*

13 Onsoň Ballak oňa: «Haýyş edýärin,
meniň yzyma düş, başga ýere gideli,
sen ol ýerden olaryň hemmesini däl, bir
bölegini görersiň. Meniň üçin olary şol
ýerden näletle» diýdi. 14 Şeýdip, Ballak
Bilgamy Zopym ýaýlasyna, Pisga da-
gynyň depesine alyp bardy. Ol ýerde
ýedi sany gurbanlyk sypasyny gurup,
olaryň hersiniň üstünde bir öküz bi-
len bir goçy gurbanlyk berdi. 15 Bilgam

Ballaga: «Men ol ýerde Reb bilen du-
şuşýançam, sen şu ýerde öz ýakma
gurbanlyklaryň ýanynda dur» diýdi.
16 Reb Bilgama göründi we onuň agzy-
na söz salyp: «Ballagyň ýanyna baryp,
şu zatlary aýt» diýdi. 17 Bilgam gelende,
Ballak Mowabyň emeldarlary bilen öz
ýakma gurbanlyklarynyň ýanynda durdy.
Ballak ondan: «Reb näme diýdi?» diýip
sorady. 18 Bilgam indi boljak zatlardan
habar berip, şeýle diýdi:

«Eý, Sipor ogly Ballak,
oýan-da, maňa gulak goý.
19 Hudaý ynsan däl ahyryn,
ýalan sözlär ýaly.
Ol adam ogly däl, pikirini
üýtgeder ýaly.
Heý, Onuň beren wadasynyň,
aýdan sözüniň bitmedigi barmy?
20 Ine, Ol maňa Ysraýyly ýalka
diýip emr etdi.
Hudaýyň Özi ýalkanda, men
ony üýtgedip bilmeýärin.
21 Men Ýakuba hiç hili betbagtlyk
ýokdugyny,
Ysraýylda bela-beteriň
bolmajagyny görýärin.
Ysraýyl Hudaýy Reb olar bilendir.
Olar Ony öz patyşasy
hökmünde alkyşlaýarlar.
22 Olary Müsürden çykarýan
Hudaýdyr,
ýabany öküziň güýji deý güýç
bilen çykarýar.
23 Ýakuba hiç bir doga-jady täsir
etmez,
Ysraýylyň garşysyna täleý
garanyň peýdasy ýokdur.
Indi bolsa Ysraýyl we Ýakup
hakda:
„Gör, Hudaýyň eden zatlaryny!“
diýerler.
24 Seret, halk şir dek oýanyp,
arslan deý ýerinden turýar!
Ol indi awuny iýip doýýança,
öldürenleriniň ganyndan
ganýança köşeşmez».

25 Onsoň Ballak Bilgama:
«Sen olary näletleme-de,
ýalkama-da» diýdi.

26 Emma Bilgam Ballaga: «„Reb ma-
ňa näme diýse, men hem şony aýdaryn“
diýip, saňa aýtmadymmy näme?» diýip
jogap berdi.
27 Onsoň Ballak Bilgama: «Ýör, men
seni başga bir ýere äkideýin, belki seniň
olary şol ýerde näletlemegiň Hudaýyň
göwnüne ýarar» diýdi. 28 Onsoň Ballak
Bilgamy alyp, çöle bakyp duran Pegor da-
gynyň depesine getirdi. 29 Bilgam Ballaga:
«Bu ýerde ýedi sany gurbanlyk sypasyny
gur-da, meniň üçin ýedi öküz bilen ýedi
goç taýýarlap goý» diýdi. 30 Onsoň Ballak
edil Bilgamyň aýdyşy ýaly edip, her bir
gurbanlyk sypasynyň üstünde bir öküz
bilen bir goçy gurbanlyk berdi.

## 24-nji bap

### *Bilgama gelen üçünji aýanlyk*

1 Bilgam Rebbiň ysraýyl halkyny ýal-
kamakdan hoşal bolýandygyny bildi.
Şonuň üçin hem ol öňküsi ýaly palçylyk
edip ýörmedi-de, göni çöle tarap tutdur-
dy. 2 Bilgam seredip, ysraýyl halkynyň
düşelgede tire-tire bolup oturandygyny
gördi. Şol pursat onuň üstüne Hudaýyň
Ruhy indi. 3 Onsoň ol geljekden söz açyp,
şeýle diýdi:

«Begor ogly Bilgam sözleýär,
gözi bilen aýdyň görýän diýýär,
4 Hudaýyň sözlerini eşidýän,
Gudratygüýçlüden görnüş
görýän,
ýere ýüzin düşüp, gözüm bilen
aýdyň görýän.

[5] Eý, Ýakup, çadyrlaryň ne ajap,
eý, Ysraýyl düşelgeleriň ne gözel!
[6] Giň jülgeler kimin uzalýar.
Derýa kenaryndaky baglar deý
uzalyp,
Rebbiň eken hoşboý ysly agaçlary
deý,
edil suw boýunda biten kedrler
deý görünýär.
[7] Ysraýyl meşiginden suwlar çogar.
Tohumlary bol suw bilen
suwarylar.
Onuň patyşasy Agakdan-da beýik
bolar.
Patyşalygy bolsa has-da beýgeler.
[8] Hudaý olary Müsürden
ýabany öküziň güýji deý güýç
bilen çykarýar.
Olar duşman milletlerini iýip,
süňklerini çeýnärler,
peýkam bilen ýaralarlar.
[9] Ysraýyl edil arslan deý,
ene şir deý ýatar.
Kim ony turuzmaga milt eder?
Çünki Ysraýyly ýalkan ýalkanar,
näletlän näletlener».
[10] Onsoň Ballagyň kalbynda Bilgama
garşy gazap ody tutaşdy. Ol ellerini şar-
pyldadyp, biri-birine urup, Bilgama şeýle
diýdi: «Men seni duşmanlaryma nälet
okatmak üçin çagyrypdym, sen bolsaň,
eýýäm üç gezek olara ak pata berdiň.
[11] Indi bu ýerden güm bol-da, öýüňe git!
Men seni oňat sylaglajakdym, emma
Reb saňa hiç bir sylagy rowa görmedi».
[12] Onda Bilgam Ballaga: «Men seniň
ýollan adamlaryňa: [13] „Ballak hatda öz
öýündäki altyn-kümşüň baryny berse-
de, men Hudaýym Rebbiň emrini bozup,
öz erkime oňat iş hem, erbet iş hem
edip bilmerin. Reb näme diýse, menem
şony gaýtalaryn“ diýip aýtmanmydym?
[14] Ine, indi men öz ilime gaýtmankam,
bu ysraýyl halkynyň geljek günlerde
seniň halkyňa nämeler etjekdigi bilen
seni habardar edeýin» diýdi.

### *Bilgama gelen dördünji aýanlyk*

[15] Onsoň Bilgam geljekden söz açyp,
şeýle diýdi:
«Begor ogly Bilgam sözleýär,
gözi bilen aýdyň görýän diýýär.
[16] Hudaýyň sözlerini eşidýän,
Beýik Hudaýdan bilim alýan,
Gudratygüýçlüden görnüş görýän,
ýere ýüzin düşüp, gözüm bilen
aýdyň görýän.
[17] Men ony görýän, ýöne häzir däl,
oňa bakýan, ýöne ýakyn däl.
Ýakubyň neslinden ýyldyz dörär.
Ysraýyldan bir şalyk hasasy
göterilip,
Mowabyň maňlaýyny ýarar,
Şisleriň başyny mynjyradar.
[18] Edom eýeleniler,
Segir öz duşmanlarynyň
mülküne öwrüler.
Ysraýyl bolsa has kuwwatlanar.
[19] Ýakup neslinden bolan biri
höküm sürer,
galada diri galanlaryň baryny
gyrar».
[20] Soňra ol amaleklere seredip, sözüni
şeýle dowam etdi:
«Amalek milletleriň naýbaşysydy,
emma onuň yzy müdimilik
ýiter».
[21] Onsoň ol keýnlere bakyp, şeýle diýdi:
«Siziň mesgeniňiz howpsuz ýerde,
ol gaýanyň depesindäki
höwürtge deý amandyr.
[22] Emma, eý, Keýn, aşurlar sizi
ýesir alanda,
siz ýanyp ýok bolarsyňyz».
[23] Bilgam ýene-de sözüni dowam edip,
şeýle diýdi:

«Hudaý bulary amal edende,
ýaşajak adamlaryň dat
gününe!
24 Emma Kitimden gämiler gelip,
Aşur bilen Eberi gulçulykda
ezerler,
olaryň yzy hem müdimilik
ýiter».
25 Şondan soň Bilgam öýüne tarap ýola
düşdi. Ballak hem öz ýoly bilen gitdi.

## 25-nji bap

### *Ysraýyllar keseki hudaýlara sygynýar*

1 Ysraýyllar Şitimde ýaşaýarkalar,
mowaply aýallar bilen zyna etmäge
başladylar. 2 Ol aýallar ysraýyllary öz
hudaýlaryna hödür eden gurbanlykla-
ryna çagyrýardylar. Ysraýyllar olaryň
gurbanlyklaryndan iýip, olaryň hu-
daýlaryna sežde edýärdiler. 3 Şeýdip,
ysraýyllar Bagalpegor butuna özlerini
bagyş etdiler. Ysraýyllaryň garşysyna
Rebbiň gahary geldi. 4 Onsoň Reb Musa:
«Rebbiň gahar-gazaby Ysraýyldan sowlar
ýaly, halkyň ähli ýolbaşçylaryny getirip,
olary öldürip, Günüň astynda ser» diýdi.
5 Musa ysraýyl serdarlaryna: «Siziň her
biriňiz öz adamlaryňyzyň arasynda Ba-
galpegor butuna sežde edýänlere goşulan
her kesi öldüriň!» diýip buýruk berdi.
6 Musa we bütin ysraýyl halky Rebbe
ýüz tutulýan çadyryň işiginde aglaşyp
durkalar, bir ysraýylly erkek kişi olaryň
gözüniň alnynda bir midýanly aýaly öz
maşgalasyna getirdi. 7 Muny gören El-
gazaryň ogly, ruhany Harunyň agtygy
Pinehas halkyň arasyndan çykyp, eline
naýza aldy. 8 Ol ysraýyllynyň yzyndan
çadyra girip, naýzany birbada olaryň
ikisiniň hem – ysraýyllynyň hem, mid-
ýanly aýalyň hem garnyndan sokdy. Şol
bada ysraýyl halkynyň arasyna iberilen
gyrgynçylyk togtadyldy. 9 Emma gyr-
gynçylykdan eýýäm ýigrimi dört müň
ysraýylly ölüpdi.
10 Reb Musa şeýle diýdi: 11 «Ysraýyl
halkyndan Meniň gaharymy Elgazaryň
ogly, ruhany Harunyň agtygy Pinehas
gaýtardy, olaryň arasynda ol Maňa özü-
niň hakyky wepadardygyny görkezdi.
Şonuň üçin men olary gabanyp, bütinleý
ýok etmedim. 12 Şoňa görä hem oňa şuny
aýt: „Men onuň bilen parahatçylyk ähti-
mi baglaşýaryn. 13 Pinehas öz Hudaýyna
wepadarlygyny görkezip, ysraýyllary
günäsinden saplandygy üçin, oňa we
onuň nesline ruhanylygy müdimilik
bagyş edýärin“».
14 Midýan aýaly bilen birlikde öldürilen
ysraýyllynyň ady Saluwyň ogly Zimridi.
Ol şimgon tire baştutanlarynyň biridi.
15 Onuň bilen bile öldürilen aýalyň ady
bolsa Suruň gyzy Kozbydy. Sur midýan
tiresiniň baştutanlarynyň biridi.
16 Reb Musa şeýle diýdi: 17 «Midýan-
lary indi Ysraýylyň duşmany saýyň,
olary gyryň! 18 Ine, olaryň Pegorda eden
işleri: olar gyz doganlary, midýanly
tirebaşynyň gyzy Kozbynyň üsti bilen
ysraýyllara duzak gurdular. Size hile
salyp, duşman ýaly daraşdylar. Pegora
gyrgynçylygyň gelmeginiň sebäpkäri
bolany üçin Kozby öldürildi».

## 26-njy bap

### *Musa ysraýyllary ikinji gezek hasaba alýar*

1 Reb ysraýyllary gyrgynçylyk bilen
ýok etmegini bes edenden soň, Musa
bilen Harunyň ogly Elgazara: 2 «Ýaşy
ýigrimi we ondan ýokary bolan söweşe
ukyply, bütin ysraýyl halkynyň her bir
erkeginiň sanyny kowumlaryna görä
ýekeme-ýeke hasaba al» diýdi.

[3]Ysraýyl halky bu wagt Iordan derýa-
synyň boýunda, Ýerihonyň garşysynda
ýerleşýän Mowap düzlüginde düşelge
gurupdy. Musa bilen Elgazar ysraýyllara
Rebbiň Musa buýruşy ýaly: [4]«Ýaşy ýig-
rimi we ondan ýokary bolan adamlaryň
hasabyny alyň» diýdiler.

Müsürden çykyp gelen ysraýyllaryň
sanawy şulardyr:

[5]Ysraýylyň nowbahar ogly Rube-
niň nesillerinden: Hanogyň neslinden
hanoklar urugy, Palluwyň neslinden
pallulular urugy, [6]Hesronyň neslinden
hesronlar urugy, Karmynyň neslinden
karmylar urugy. [7]Bularyň bary rubenle-
riň uruglarydyr, olar kyrk üç müň ýedi
ýüz otuz adam boldy. [8]Palluwyň ogul-
laryndan Eliýap. [9]Eliýabyň neslinden:
Nemuwal, Datan we Abyram. Bular şol
halkyň içinden saýlanan, Rebbe boýun
egmän, Musa bilen Harunyň garşysy-
na gozgalaň turzan Koranyň toparyna
goşulan Datan bilen Abyramdyr. [10]Ýer
ýarylyp, olary Kora bilen birlikde ýu-
wudypdy. Ol ýerdäki iki ýüz elli adam
oda ýanypdy. Olar şeýdip, başgalara-da
göz bolupdylar. [11]Koranyň ogullary bolsa
ölmän galypdylar.

[12]Uruglaryna görä Şimgon ogullary
şulardyr: Nemuwalyň neslinden ne-
muwallar urugy, Ýamynyň neslinden
ýamynlar urugy, Ýakiniň neslinden
ýakinler urugy, [13]Zeranyň neslinden
zeralar urugy, Şawulyň neslinden şawul-
lar urugy. [14]Şimgon uruglary şulardan
ybaratdyr, olar ýigrimi iki müň iki ýüz
adamdyr.

[15]Uruglaryna görä Gat ogullary şular-
dyr: Seponyň neslinden seponlar urugy,
Hagynyň neslinden hagylar urugy, Şuny-
nyň neslinden şunylar urugy, [16]Oznynyň
neslinden oznylar urugy, Eriniň neslin-
den eriler urugy, [17]Arodyň neslinden
arotlar urugy, Areliniň neslinden areliler
urugy. [18]Gat uruglary şulardyr, olar kyrk
müň bäş ýüz adamdyr.

[19]Ýahudanyň ogullary: Er we Onan.
Olaryň ikisi hem Kengan topragynda
öldüler. [20]Uruglaryna görä Ýahudanyň
ogullary şulardyr: Şelanyň neslinden
şelalar urugy, Peresiň neslinden peres-
ler urugy, Zeranyň neslinden zeralar
urugy. [21]Peres ogullaryndan bolanlar
şulardyr: Hesronyň neslinden hesronlar
urugy, Hamulyň neslinden hamullar
urugy. [22]Ýahudanyň uruglary şulardan
ybaratdyr, olaryň adam sany ýetmiş alty
müň bäş ýüz kişidir.

[23]Uruglaryna görä Ysakaryň ogullary
şulardyr: Tolanyň neslinden tolalar uru-
gy, Puwanyň neslinden punylar urugy,
[24]Ýaşubyň neslinden ýaşuplar urugy,
Şimronyň neslinden şimronlar urugy.
[25]Ysakar uruglary şulardyr, olaryň adam
sany altmyş dört müň üç ýüz kişidir.

[26]Uruglaryna görä Zebulun ogullary
şulardyr: Saradyň neslinden saratlar
urugy, Eýlonyň neslinden eýlonlar urugy,
Ýahleýeliň neslinden ýahleýeller urugy.
[27]Zebulun uruglary şulardyr, olaryň
adam sany altmyş müň bäş ýüz kişidir.

[28]Uruglaryna görä Ýusubyň ogullary:
Manaşa bilen Efraýym. [29]Manaşanyň
ogullary: Makyryň neslinden makyr-
lar urugy. Makyr Gilgadyň atasydy,
Gilgadyň neslinden gilgatlar urugy.
[30]Gilgadyň ogullaryndan bolanlar: Ige-
zeriň neslinden igezerler urugy, Helegiň
neslinden helekler urugy, [31]Asryýeliň
neslinden asryýeller urugy, Şekemiň
neslinden şekemler urugy, [32]Şemidanyň
neslinden şemidalar urugy, Heperiň
neslinden heperler urugy. [33]Heperiň
ogly Selophadyň ogly ýokdy, ýöne onuň
Mahla, Noga, Hogla, Milka we Tirsa
atly gyzlary bardy. [34]Manaşa uruglary

şulardan ybaratdyr, olaryň adam sany
elli iki müň ýedi ýüz kişidir.

35 Uruglaryna görä Efraýymyň nes-
linden döränler şulardyr: Şutelanyň
neslinden şutelalar urugy, Bekeriň
neslinden bekerler urugy, Tahanyň nes-
linden tahanlar urugy. 36 Bular Şutelanyň
neslinden döränlerdir: Eranyň neslinden
eranlar urugy. 37 Efraýym uruglary şular-
dyr, olaryň adam sany otuz iki müň bäş
ýüz kişidir. Uruglaryna görä Ýusubyň
nesilleri şulardy.

38 Uruglaryna görä Benýaminiň ogul-
lary şulardyr: Balanyň neslinden balalar
urugy, Aşbeliň neslinden aşbeller urugy,
Ahyramyň neslinden ahyramlar urugy,
39 Şefufamyň neslinden şufamlar urugy,
Hupamyň neslinden hupamlar urugy.
40 Balanyň Art we Nagaman atly ogullary
bardy: Artyň neslinden artlar urugy, Na-
gamanyň neslinden nagamanlar urugy.
41 Uruglaryna görä Benýaminiň nesilleri
şulardy, olaryň adam sany kyrk bäş müň
alty ýüz kişidir.

42 Uruglaryna görä Danyň ogullaryn-
dan bolanlar şulardy: Şuhamyň neslinden
şuhamlar urugy. Bular Dan uruglarydy.
43 Şuham uruglarynyň hemmesiniň jemi
altmyş dört müň dört ýüz adamdy.

44 Uruglaryna görä Aşer ogullaryndan
döränler şulardy: Ýimnanyň neslinden
ýimnalar urugy, Ýişwiniň neslinden
ýişwiler urugy, Beriganyň neslinden
berigalar urugy. 45 Beriganyň ogullaryn-
dan: Heberiň neslinden heberler urugy,
Malkyýeliň neslinden malkyýeller urugy.
46 Aşeriň gyzynyň ady Serady. 47 Bular
aşer uruglarydy, olaryň adam sany elli
üç müň dört ýüz kişidir.

48 Uruglaryna görä Naftalynyň ogulla-
ryndan döränler: Ýahseýeliň neslinden
ýahseýel urugy, Gunynyň neslinden gu-
nylar urugy, 49 Ýezeriň neslinden ýezerler
urugy, Şillemiň neslinden şillemler uru-
gy. 50 Bular naftaly uruglarydy, olaryň
adam sany kyrk bäş müň dört ýüz kişidir.

51 Sanalyp, hasaba alnan ysraýyllaryň
jemi alty ýüz bir müň ýedi ýüz otuz
adam boldy.

52 Reb Musa şeýle diýdi: 53 «Adam-
larynyň sanyna görä, ýerleri tireleriň
arasynda mülk edip paýlaň. 54 Uly tire-
lere uly, kiçi tirelere kiçi mülk ýer beriň.
Her bir tirä hasaba alnan sanyna görä
mülk berilmelidir. 55 Ýurdy bije boýunça
tireler arasynda paýlaşsynlar. Her kim
öz tiresiniň paýyna görä eýelemelidir.
56 Ýer bije atylyp paýlansyn, uly paýy
uly tirä, kiçi paýy kiçi tirä beriň».

57 Uruglaryna görä lewileriň sanawy:
Gerşonyň neslinden gerşonlar urugy,
Kohadyň neslinden kohatlar urugy,
Merarynyň neslinden merarylar urugy.
58 Bular hem Lewi uruglarydyr: libniler
urugy, hebronlar urugy, mahlylar urugy,
muşylar urugy, koralar urugy. Kohat
Imranyň atasydy. 59 Imranyň aýalynyň
ady Ýokebetdi. Ol Lewiniň gyzydy we
Müsürde doglupdy. Ýokebet bilen Im-
randan Harun, Musa we olaryň uýasy
Merýem doguldy. 60 Harunyň Nadap,
Abyhu, Elgazar we Ytamar diýen ogul-
lary boldy. 61 Emma Nadap bilen Abyhu
Rebbiň huzurynda mukaddes bolmadyk
ody hödür edendikleri üçin öldüler. 62 Bir
aýlyk we ondan ýokary ýaşyndaky hasa-
ba alnan erkek göbekli lewiler ýigrimi
üç müň adam boldy. Lewiler ysraýyllar-
dan aýry hasaba alyndylar. Çünki olara
Ysraýylda hiç bir paý berilmedi.

63 Iordan derýasynyň boýunda, Ýeriho-
nyň garşysyndaky Mowap düzlüginde
Musa bilen Elgazar Ysraýylyň ilat sa-
nawyny geçirenlerinde, ähli tireleriň
hasabyny aldylar. 64 Musa bilen ruhany
Harunyň Sinaý çölünde geçiren ilat

sanawynda hasaba alanlarynyň ýekeje-
si-de bu gezekdäkileriň arasynda ýokdy.
65Çünki Reb olar hakda şeýle diýipdi:
«Olaryň hemmesi çölde ölüp giderler.
Ýepunnäniň ogly Kalep bilen Nunuň
ogly Ýeşuwadan başga olaryň ýekejesi
hem diri galmaz».

### 27-nji bap

#### *Selophadyň gyzlary*

1Onsoň Selophadyň gyzlary öňe çyk-
dylar. Selophat Heperiň ogly, Gilgadyň
agtygy, Makyryň çowlugy, Ýusubyň
ogly Manaşanyň ýuwlugydy. Ol Mana-
şanyň urugyndandy. Onuň gyzlarynyň
atlary Mahla, Noga, Hogla, Milka we
Tirsady. 2Olar gelip, Musanyň, ruha-
ny Elgazaryň, baştutanlaryň we bütin
halkyň öňünde, Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň girelgesinde durup: 3«Biziň
atamyz çölde jan berdi. Ol Rebbiň gar-
şysyna baş göteren Koranyň toparyna
goşulmady, ol öz günäsi üçin öldi we
ondan ogul galmady. 4Ogly bolmanly-
gy üçin, kakamyzyň ady öz urugynyň
arasyndan ýitip gidäýmelimi? Kakamy-
zyň dogan-garyndaşlarynyň arasyndan
bize-de mülk beriň» diýdiler.
5Musa bularyň dawasyny Rebbiň dyk-
gatyna ýetirdi. 6Reb Musa şeýle jogap
berdi: 7«Selophadyň gyzlarynyň diýýäni
dogry, sen hökman olara kakalarynyň
dogan-garyndaşlarynyň arasyndan mülk
ber hem-de kakalarynyň ýer paýyny
olara geçir. 8Ysraýyllara-da aýt, eger bir
adam ölse we onuň yzynda ogly galmasa,
onda onuň mülki gyzyna geçirilmelidir.
9Eger onuň gyzy hem bolmasa, onda
onuň mülki doganlaryna berilsin. 10Eger
onuň doganlary-da bolmasa, onda mülki
atasynyň doganlaryna berilsin. 11Eger
atasynyň doganlary-da bolmasa, onda
mülki öz urugyndan oňa iň ýakyn bo-
lan garyndaşyna berilsin. Men Rebbiň
Musa buýruşym ýaly, ysraýyllara şeýle
düzgün parz bolsun».

#### *Ýeşuwa Musanyň ýerine ýolbaşçy bellenýär*

12Reb Musa şeýle diýdi: «Abarym
daglarynyň aralygynda ýerleşýän şu
dagyň depesine çyk-da, Meniň ysra-
ýyllara berýän ýurduma syn et. 13Ony
synlanyňdan soň, sen hem doganyň
Harun ýaly, öz ata-babalaryňa gowşar-
syň. 14Çünki siz ikiňiz Sin çölünde halk
Meniň garşyma baş göterende, Meniň
emrime garşy çykdyňyz. Çeşmäniň bo-
ýunda, olaryň gözüniň alnynda Meniň
mukaddesdigimi ykrar etmediňiz». (Bu
Sin çölündäki Kadeşiň golaýynda ýerleş-
ýän Meriba çeşmesidir.) 15Musa Rebbe:
16«Reb, ähli adamzadyň gözbaşy bolan
Hudaý, goý, halkyň üstünden bir adamy
ýolbaşçy bellesin. 17Ol bellenen adam
söweşde baştutan bolup, halkyň öňüne
düşsün, goý, Rebbiň jemagaty çopansyz
süri ýaly bolmasyn» diýdi. 18Onda Reb
Musa şeýle diýdi: «Meniň Ruhumdan
dolan Nunuň ogly Ýeşuwany saýla-da,
elleriňi onuň üstünde goý. 19Ony ruha-
ny Elgazaryň we bütin halkyň öňünde
durzup, olaryň gözüniň alnynda ony
halka ýolbaşçy belle. 20Bütin ysraýyl
halky tabyn bolar ýaly, oňa öz ygty-
ýarlyklaryňdan ber. 21Emma ol her bir
meselede ruhany Elgazara maslahat
salsyn. Elgazar bolsa oňa Urymyň[a]
kömegi bilen Rebbiň islegini bilip berer.

[a] **27:21** ***Urym*** – Hudaýyň islegini bilmek üçin, ruhanylar tarapyndan ulanylan daş. Sözlüge seret.

Ýeşuwa we bütin ysraýyl halky hemme
ýagdaýda şuňa garap iş tutsun». 22 Mu-
sa Rebbiň özüne buýruşy ýaly etdi. Ol
Ýeşuwany getirip, ruhany Elgazaryň we
bütin halkyň öňünde duruzdy. 23 Onsoň
ellerini Ýeşuwanyň depesinde goýup,
Rebbiň özüne aýdyşy ýaly, ony halkyň
ýolbaşçysy belledi.

## 28-nji bap

### *Her gün berilmeli gurbanlyklar*
*(Müsürden çykyş 29:38-43; Lewiler 6:8-13)*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyllara
şeýle buýruk ber, Maňa berýän sada-
kalaryny öz bellenen wagtynda hödür
etsinler. Bular Meniň naharymdyr, Ma-
ňa ot üsti bilen berilýän ýakymly ysly
gurbanlyklardyr. 3 Olara aýt, Maňa ot
üsti bilen berjek gündelik ýakma gur-
banlyklary şikessiz iki sany birýaşar
erkek tokly bolsun. 4 Toklularyň birini
ir bilen, beýlekisini agşamara bersin-
ler. 5 Toklular bilen bile galla sadakasy
üçin bir küýze[a] sap zeýtun ýagy bilen
garylan, bir batmanyň ondan birine
barabar saýlama bugdaý ununy sadaka
bersinler. 6 Bu Sinaý dagynda buýru-
lan gündelik ýakma gurbanlygy bolup,
Rebbe ot üsti bilen berilýän ýakymly
ysly gurbanlykdyr. 7 Her tokly bilen bi-
le içgi sadakasy hökmünde Rebbe bir
küýze şeraby hödür edip, ony mukad-
des ýerde guýsunlar. 8 Beýleki toklyny
agşamara, galla we içgi sadakasy bilen
birlikde, edil irdenki ýaly hödür ediň.
Bu ot üsti bilen Rebbe berilýän ýakymly
ysly gurbanlykdyr. 9 Sabat güni şikessiz
birýaşar erkek tokludan ikisini, zeýtun
ýagy garylan bir batmanyň ondan iki
möçberindäki saýlama bugdaý ununy we
içgi sadakasyny hödür etsinler. 10 Günde-
lik berilýän ýakma gurbanlygynyň we
içgi sadakasynyň daşyndan, her Sabat
güni berilýän ýakma gurbanlygy şudur.

### *Her aý berilmeli sadakalar*

11 Her aýyň başynda iki öküzçäni, bir
goçy, şikessiz ýedi sany birýaşar erkek
toklyny ýakma gurbanlygy hökmünde
Rebbe bagyş etsinler. 12 Her öküz üçin
galla sadakasy hökmünde zeýtun ýagy
garylan bir batmanyň ondan üç möçbe-
rindäki saýlama bugdaý ununy we goç
üçin galla sadakasy hökmünde, zeýtun
ýagy garylan bir batmanyň ondan iki
möçberindäki saýlama bugdaý ununy
hödür etsinler. 13 Her tokly üçin galla sa-
dakasy hökmünde zeýtun ýagy garylan
bir batmanyň ondan bir möçberindäki
saýlama bugdaý ununy Rebbe ot üsti
bilen berilýän ýakymly ysly gurbanlyk
hökmünde hödür etsinler. 14 Her öküz
üçin içgi sadakasy hökmünde iki küýze
şeraby, goç üçin bir ýarym küýze şeraby,
her tokly üçin bolsa, bir küýze şeraby
hödür etsinler. Ýyl boýy her täze Aý-
da berilmeli ýakma gurbanlygy şudur.
15 Gündelik berilýän ýakma gurbanly-
gy bilen içgi sadakasyndan başga-da,
Rebbe günä gurbanlygy üçin bir teke
hödür edilsin.

### *Pesah gurbanlygy*
*(Lewiler 23:3-32)*

16 Birinji aýyň on dördüne Rebbe Pesah
gurbanlygy hödür edilsin. 17 Şu aýyň on
bäşi güni baýramdyr. Siz ýedi günläp
petir iýmelisiňiz. 18 Şu günleriň ilkinji
güni siz halky mukaddes ýygnanyşyga
çagyryň. Şol gün siz işlemäň. 19 Rebbe

[a] **28:5** ***Bir küýze*** – ýewreýçe *hiniň dörtden biri*. Bu takm. 1 litre deňdir.

ot üsti bilen berilýän ýakma gurbanlygy
hökmünde iki öküzçäni, bir goçy we
şikessiz birýaşar erkek tokludan ýedi
sanysyny hödür ediň. 20 Olaryň galla
sadakasy zeýtun ýagy garylan saýlama
bugdaý unundan bolsun. Her öküz üçin
bir batmanyň ondan üç möçberindäki
uny, goç üçin bolsa bir batmanyň ondan
iki möçberindäki uny hödür etsinler.
21 Ýedi toklynyň her biri üçin, bir batma-
nyň ondan bir möçberindäki uny hödür
etsinler. 22 Olar günälerinden saplan-
mak üçin, günä gurbanlygy hökmünde
bir tekäni gurbanlyk etsinler. 23 Bulary
gündelik berilýän gurbanlyklara degişli
bolup, irden berilýän ýakma gurbanlyk-
laryň daşyndan hödür etsinler. 24 Şeýdip,
olar her gün – ýedi günläp, ot üsti bilen
Rebbe ýakymly ysly iýmit sadakasyny
hödür etsinler. Bu gündelik berilýän
ýakma gurbanlygydyr, ol içgi sadaka-
synyň daşyndan berilsin. 25 Ýedinji gün
bolsa mukaddes ýygnanyşyk geçirsinler
we şol gün işlemesinler.

### *Galla baýramyndaky sadakalar*

26 Ilkinji Hasyl baýramy güni, ýagny
Galla baýramynda täze bugdaýdan Reb-
be galla sadakasyny hödür edeniňizde,
mukaddes ýygnanyşyk geçiriň we şol
gün işlemäň. 27 Iki öküzçäni, bir goçy,
ýedi sany birýaşar erkek toklyny Rebbe
ýakymly ysly ýakma gurbanlygy hök-
münde hödür ediň. 28 Galla sadakaňyz
zeýtun ýagy garylan saýlama bugdaý
unundan bolup, her öküz üçin bir bat-
manyň ondan üç, goç üçin bir batmanyň
ondan iki, 29 ýedi toklynyň her biri üçin
bir batmanyň ondan bir möçberindä-
ki undan berilsin. 30 Günäleriňizden
saplanmak üçin, bir tekäni gurbanlyk
beriň. 31 Olary gündelik berilýän ýakma
gurbanlygynyň we galla sadakasynyň
daşyndan, ýanynyň içgi sadakasy bi-
len birlikde hödür ediň. Olar şikessiz
bolmalydyrlar.

## 29-njy bap

### *Surnaý baýramyndaky sadakalar*

1 Ýedinji aýyň birinji gününde siz mu-
kaddes ýygnanyşyk geçiriň we şol gün
işlemäň. Bu gün siziň üçin surnaý çalyn-
ýan gündür. 2 Bir öküzçäni, bir goçy we
şikessiz ýedi sany birýaşar erkek toklyny
Rebbe ýakymly ysly ýakma gurbanlygy
hökmünde hödür ediň. 3 Olaryň ýany
bilen berilýän galla sadakasy zeýtun
ýagy garylan saýlama bugdaý unundan
bolup, öküz üçin bir batmanyň ondan üç,
goç üçin bir batmanyň ondan iki, 4 her
tokly üçin hem bir batmanyň ondan bir
möçberindäki undan berilsin. 5 Günäle-
riňizden saplanmak üçin bir tekäni günä
gurbanlygy hökmünde hödür ediň. 6 Bu
täze Aýdaky gündelik berilýän ýakma
gurbanlygynyň we olaryň düzgüne görä
berýän galla we içgi sadakasynyň da-
şyndandyr. Bular Rebbe ot üsti bilen
berilýän ýakymly ysly sadakalardyr.

### *Günäden saplanma günündäki sadakalar*

7 Şu ýedinji aýyň onunjy güni siz mu-
kaddes ýygnanyşyk geçirip, öz islegiňizi
terk edip, agyz bekläň, şol gün işlemäň.
8 Bir öküzçäni, bir goçy, ýedi sany bir-
ýaşar erkek toklyny Rebbe ýakymly
ysly ýakma gurbanlygy hökmünde hö-
dür ediň. Olar şikessiz bolmalydyrlar.
9 Olaryň ýany bilen hödür edilýän galla
sadakasy zeýtun ýagy garylan saýlama
bugdaý unundan bolup, öküz üçin bir
batmanyň ondan üç, goç üçin bir bat-
manyň ondan iki, 10 ýedi toklynyň her
biri üçin hem bir batmanyň ondan bir

möçberindäki undan berilsin. 11 Günäden
saplaýan günä gurbanlygynyň, gündelik
berilýän ýakma gurbanlygynyň, onuň
galla we içgi sadakasynyň daşyndan
bir tekäni günä gurbanlygy hökmünde
hödür ediň.

### *Çatma baýramyndaky sadakalar*

12 Ýedinji aýyň on bäşine siz mukaddes
ýygnanyşyk geçiriň, şol gün işlemäň.
Rebbiň şanyna ýedi günläp baýram ediň.
13 On üç sany öküzçäni, iki sany goçy,
on dört sany birýaşar erkek toklyny ot
üsti bilen ýakymly ysly ýakma gurban-
lygy hökmünde Rebbe hödür ediň. Olar
şikessiz bolmalydyrlar. 14 Olaryň ýany
bilen berilýän galla sadakasy, zeýtun
ýagy garylan saýlama bugdaý unundan
bolup, on üç öküzçäniň her biri üçin bir
batmanyň ondan üç, iki goçuň her biri
üçin bir batmanyň ondan iki, 15 on dört
toklynyň her biri üçin bir batmanyň
ondan bir möçberindäki undan berilsin.
16 Gündelik berilýän ýakma gurban-
lygynyň, galla we içgi sadakasynyň
daşyndan bir tekäni günä gurbanlygy
üçin hödür ediň.
17 Ikinji gün şikessiz on iki sany öküz-
çäni, şikessiz on dört sany birýaşar erkek
toklyny hödür ediň. 18 Öküzleriň, goçla-
ryň we toklularyň sanyna görä, olaryň
ýany bilen berilýän galla we içgi sadaka-
laryny hödür ediň. 19 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakasynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.
20 Üçünji gün şikessiz on bir sa-
ny öküzi, iki sany goçy, şikessiz on
dört sany birýaşar erkek toklyny hö-
dür ediň. 21 Öküzleriň, goçlaryň we
toklularyň sanyna görä, olaryň ýany
bilen berilýän galla we içgi sadakala-
ryny hödür ediň. 22 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakasynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.
23 Dördünji gün şikessiz on öküzi, iki
goçy, şikessiz on dört sany birýaşar
erkek toklyny gurbanlyk hökmünde
hödür ediň. 24 Öküzleriň, goçlaryň we
toklularyň sanyna görä, olaryň ýany
bilen berilýän galla we içgi sadakala-
ryny hödür ediň. 25 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakasynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.
26 Bäşinji gün şikessiz dokuz öküzi,
iki goçy, şikessiz on dört sany birýaşar
erkek toklyny gurbanlyk hökmünde
hödür ediň. 27 Öküzleriň, goçlaryň we
toklularyň sanyna görä, olaryň ýany
bilen berilýän galla we içgi sadakala-
ryny hödür ediň. 28 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakalarynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.
29 Altynjy gün şikessiz sekiz sany ökü-
zi, iki sany goçy, şikessiz on dört sany
birýaşar erkek toklyny gurbanlyk hök-
münde hödür ediň. 30 Öküzleriň, goçlaryň
we toklularyň sanyna görä, olaryň ýany
bilen berilýän galla we içgi sadakala-
ryny hödür ediň. 31 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakalarynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.
32 Ýedinji gün şikessiz ýedi öküzi, iki
goçy, şikessiz on dört sany birýaşar
erkek toklyny gurbanlyk hökmünde
hödür ediň. 33 Öküzleriň, goçlaryň we
toklularyň sanyna görä, olaryň ýany
bilen berilýän galla we içgi sadakala-
ryny hödür ediň. 34 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakalarynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.

35 Sekizinji gün siz mukaddes ýygna-
nyşyk geçiriň, şol gün işlemäň. 36 Bir
öküzi, bir goçy, şikessiz ýedi sany birýa-
şar erkek toklyny ot üsti bilen ýakymly
ysly ýakma gurbanlygy hökmünde Reb-
be hödür ediň. 37 Öküzleriň, goçlaryň
we toklularyň sanyna görä, olaryň ýany
bilen berilýän galla we içgi sadakala-
ryny hödür ediň. 38 Gündelik berilýän
ýakma gurbanlygynyň, galla we içgi
sadakalarynyň daşyndan bir tekäni günä
gurbanlygy üçin hödür ediň.
39 Bulary siz aýdylan sadakaňyzyň,
meýletin sadakaňyzyň, ýakma gurbanly-
gyňyzyň, galla we içgi sadakalaryňyzyň,
salamatlyk gurbanlygyňyzyň daşyndan
bellemeli baýramlaryňyzda Rebbe hö-
dür ediň».

## 30-njy bap

### *Kasam hakda*

1 Şeýlelikde, Musa Rebbiň buýran
zatlarynyň baryny ysraýyl halkynyň
dykgatyna ýetirdi. 2 Soňra Musa ysraýyl
tire baştutanlaryna şeýle diýdi: «Ine, Reb
size şu zatlary buýurdy: 3 „Eger bir adam
Rebbe wada etse ýa-da her hili zatdan
özüni saklamaga kasam içse, onda ol
beren sözüni bozman, agzy bilen aýdan
wadasyny berjaý etsin.
4 Eger aýal maşgala ýaş wagty, entek
atasy öýündekä, Rebbe wada etse ýa-da
kasam içse, 5 atasy-da gyzynyň eden wa-
dasyny ýa-da kasamyny eşidibem oňa hiç
zat diýmese, onda ol aýalyň eden wadasy
ýa-da kasamy öz güýjünde galar. 6 Emma
atasy bulary eşidip, öz närazylygyny bil-
dirse, gyzynyň eden wadasy, içen kasamy
öz güýjüni ýitirýär. Atasynyň oňlaman-
dygy sebäpli, Reb bu gyzy bagyşlar.
7 Eger gyz wada edip ýa-da bir zat
babatda oýlanman kasam içip, soňam
durmuşa çyksa, 8 äri hem bu zatlardan
habarly bolubam hiç zat diýmese, onda
gyzyň eden wadasy, içen kasamy öz güý-
jünde galar. 9 Emma äri bu zatlary eşidip
oňlamasa, onda aýalynyň eden wadasyny
ýa-da oýlanman içen kasamyny ret eder
we Reb berjaý etmedik kasamy üçin bu
aýaly bagyşlar. 10 Emma dul aýalyň ýa-da
äri bilen aýrylyşan aýalyň eden wadasy,
özüni saklamaga içen kasamy berjaý
edilmelidir. 11 Eger durmuşa çykan aýal
wada eden ýa-da her hili zatdan özüni
saklamaga kasam içen bolsa, 12 äri-de
muny eşidip, hiç zat diýmän, garşy bol-
madyk bolsa, onda aýalyň eden wadasy
ýa kasamy öz güýjünde galar. 13 Emma äri
bulary eşidip, öz närazylygyny bildiren
bolsa, onda ol aýalynyň beren ähli wada-
laryny, içen kasamyny ret edýär. Äriniň
oňlamandygy sebäpli, wadasyny berjaý
edip bilmedik bu aýaly Reb bagyşlar.
14 Aýalynyň eden islendik wadasyny ýa-
da içen kasamyny äri tassyklap ýa-da ret
edip biler. 15 Emma äri aýalynyň eden wa-
dasyny ýa-da içen kasamyny eşidip, şol
günüň özünde oňa garşy çykmadyk bolsa,
onda aýalynyň eden wadasydyr kasamy-
ny äri oňlan hasap ediler. Çünki äri olara
garşy aýalyna hiç zat diýmändi. 16 Ýöne
äri olary eşiden badyna hiç zat diýmän,
ony biraz wagtdan soň ret etse, onda
aýalynyň günäleri äriniň boýnunadyr“».
17 Är-aýalyň we entek atasy öýünde
ýaşaýan gyz bilen atasynyň arasynda-
ky gatnaşyklar hakynda Rebbiň Musa
buýran düzgünleri şulardan ybaratdyr.

## 31-nji bap

### *Midýanlaryň garşysyna uruş*

1 Reb Musa: 2 «Ysraýyllara garşy eden
işi üçin midýanlaryň jezasyny ber. Soňra
amanadyňy tabşyryp, öz ata-babalaryňa

gowşarsyň» diýdi. 3 Onsoň Musa gelip,
halka: «Midýanlaryň garşysyna uruşmak
üçin öz araňyzdan esgerler saýlaň, goý,
olar Rebbe eden işi üçin midýanlaryň
jezasyny bersinler. 4 Her ysraýyl tire-
sinden müň adamy urşa ýollaň» diýdi.
5 Şeýlelikde, ysraýyl tireleriniň hersinden
müň adam, jemi on iki müň ýaragly esger
ýygnandy. 6 Musa olary ruhany Elgazaryň
ogly Pinehas bilen bile urşa ugratdy. Pi-
nehas ýanyna mukaddes öýüň enjamlary
bilen söweş sazyny çalar ýaly surnaýlar
hem aldy. 7 Ysraýyllar Rebbiň Musa buý-
ruşy ýaly, midýanlar bilen urşup, olaryň
ähli erkek göbeklisini gyrdylar. 8 Öldüri-
lenleriň arasynda Ewi, Rekem, Sur, Hur
we Reba atly bäş sany Midýan hany-da
bardy. Begor ogly Bilgamy-da ysraýyllar
gylyçdan geçirdiler. 9 Onsoň ysraýyllar
midýan aýallarydyr çagalaryny ýesir
alyp, midýanlaryň ähli mal-garalaryny,
sürülerini we ähli zatlaryny olja aldylar.
10 Midýanlaryň ýaşan ähli galalarydyr
obalaryny ýakdylar. 11 Talanyp alnan zat-
lary we ähli oljany, adamlardyr mallary
bolsa alyp gaýtdylar. 12 Onsoň olar ýesir-
leri, oljalaryny we talanyp alnan zatlary
Iordan derýasynyň boýunda, Ýerihonyň
garşysynda ýerleşýän Mowap düzlügin-
däki düşelgede bolan Musa bilen ruhany
Elgazara we ysraýyl halkyna getirdiler.

13 Musa, ruhany Elgazar we bütin hal-
kyň baştutanlary olary garşy almaga
düşelgäniň daşyna çykdylar. 14 Uruşdan
gaýdyp gelen goşun serkerdelerine –
müňbaşylara, ýüzbaşylara Musanyň
gahary geldi. 15 Musa olara: «Aýallaryň
hemmesini diri galdyrdyňyzmy?» diýip
ýüzlendi. 16 «Bu aýallar Bilgamyň mas-
lahaty bilen Pegorda ysraýyllara Rebbe
garşy dönüklik etdirdiler. Şonuň üçinem,
Rebbiň halkynyň arasyna gyrgynçylyk
aralaşdy. 17 Indi bolsa erkek göbekli ähli
çagalary we erkek kişi bilen ýanaşan
aýallaryň hemmesini öldüriň. 18 Emma
erkek kişi bilen ýanaşmadyk ýaş gyzla-
ryň ählisini özüňiz üçin diri galdyryň.
19 Araňyzda kim adam öldüren ýa-da ölä
galtaşan bolsa ýedi gün düşelgäniň da-
şynda galsyn. Üçünji we ýedinji günler
özüňizi hem-de ýesirleriňizi tämizläň.
20 Bar eşikleri, deriden, geçi ýüňünden
edilen her bir zady we agaçdan ýasalan
gap-gaçlaryň ählisini tämizläň».

21 Ruhany Elgazar urşa gidip gelen
esgerlere şeýle diýdi: «Rebbiň Musa
buýran kanunynyň parzlary şulardan
ybarat: 22 altyn, kümüş, bürünç, demir,
galaýy we gurşun ýaly 23 oda çydamly
zatlaryň ählisini oduň içinden geçirip
halallaň. Ondan başga-da, olar tämizlik
suwy bilen hem halallansyn. Galan oda
çydamsyz zatlar bolsa suwdan geçirilsin.
24 Ýedinji gün eşikleriňizi ýuwmalysy-
ňyz we tämiz bolmalysyňyz. Ondan
soňra düşelgä girip bilersiňiz».

### *Olja paýlanylýar*

25 Reb Musa şeýle diýdi: 26 «Sen, ruhany
Elgazar we halkyň urugbaşylary getiri-
len ähli oljany, aýallary we mal-garalary
hasaplaň. 27 Oljany iki bölege bölüp, bir
bölegini urşa gatnaşan esgerlere, galany-
ny bolsa jemagata paýlaň. 28 Urşa gatnaşan
esgerleriň paýyndan – ynsan, sygyr, eşek,
goýun-geçiden Rebbe paç hökmünde
bäş ýüzden birini aýry goýuň. 29 Esger-
leriň paýyndan alyp, ony Rebbe sadaka
hökmünde ruhany Elgazara beriň. 30 Ysra-
ýyllaryň paýyndan: ynsan, sygyr, goýun,
geçi, ähli mal-garalaryň elliden birini
alyp, Rebbiň mukaddes çadyryny gora-
ýan lewilere beriň». 31 Musa bilen ruhany
Elgazar Rebbiň Musa buýruşy ýaly etdiler.

32 Alnan oljanyň esgerlerden artany:
alty ýüz ýetmiş bäş müň goýundyr geçi,

33 ýetmiş iki müň iri mal, 34 altmyş bir
müň eşek 35 we erkek bilen ýanaşmadyk
otuz iki müň boý gyz. 36 Urşa gatnaşan
esgerleriň paýyna üç ýüz otuz ýedi müň
bäş ýüz goýundyr geçi düşdi. 37 Olardan
alty ýüz ýetmiş bäş goýundyr geçi Reb-
be paç hökmünde berildi. 38 Iri malyň
jemi otuz alty müň bolup, olardan paç
hökmünde Rebbe ýetmiş ikisi berildi.
39 Eşekleriň jemi sany otuz müň bäş ýüz
bolup, olardan paç hökmünde Rebbe
altmyş birisi berildi. 40 Gyzlaryň jemi
sany on alty müň bolup, olardan otuz
ikisi Rebbe paç hökmünde berildi. 41 Mu-
sa Rebbiň özüne buýruşy ýaly, Rebbe
berlen paçlaryň hemmesini sadaka hök-
münde ruhany Elgazara berdi.

42-46 Jemagatyň paýy hökmünde Mu-
sanyň esgerlerden aýran bölegi üç ýüz
otuz ýedi müň bäş ýüz goýundyr geçiden,
otuz alty müň iri maldan, otuz müň bäş
ýüz eşekden we on alty müň gyzdan
ybarat boldy. 47 Rebbiň özüne buýruşy
ýaly, Musa ysraýyllaryň paýyndan her
elli adamdan we mal-garalardan birini
alyp, Rebbiň mukaddes çadyryny go-
raýan lewilere berdi.

48-49 Soňra goşun serkerdeleri – müň-
başylar, ýüzbaşylar Musanyň ýanyna
gelip, oňa şeýle diýdiler: «Biz gulla-
ryň ýolbaşçylyk edýän goşunymyzdaky
esgerleri sanap çykdyk. Olaryň ýeke-
jesi hem kem däl. 50 Biz öz tapan altyn
şaý-seplerimizi: uly we kiçi bilezikleri,
möhürli ýüzükleri, gulakhalkalary we
asyklary öz günälerimizden saplanmak
üçin, Rebbiň huzuryna sadaka getirdik».
51 Musa bilen ruhany Elgazar olardan ähli
bezeg şaý-sepleri görnüşindäki altyny
kabul edip aldylar. 52 Müňbaşylardan we
ýüzbaşylardan Rebbe sadaka hökmünde
hödür edilen altynyň agramy on iki put[a]
boldy. 53 Urşa gatnaşan esgerler bolsa
alan oljalaryny özlerine galdyrdylar.
54 Şeýdip, Musa bilen ruhany Elgazar
müňbaşylardan, ýüzbaşylardan altyny
kabul edip aldylar. Ony Rebbiň ýoluna
berilýän paý hökmünde ysraýyllar üçin
Rebbe ýüz tutulýan çadyra getirdiler.

## 32-nji bap

### *Iordanyň gündogaryndaky tireler*
*(Kanun taglymaty 3:12-22)*

1 Rubenler bilen gatlaryň mal-garasy
gaty köpdi. Ýazer we Gilgat toprak-
larynda mal bakmaga oňat ýerleriň
bardygyny görenlerinde, 2 gatlar bilen
rubenler gelip, Musa bilen ruhany El-
gazara we halkyň baştutanlaryna şeýle
diýdiler: 3 «Atarot, Dibon, Ýazer, Nimra,
Heşbon, Elgala, Sebam, Nebo we Begon
ýaly 4 Rebbiň ysraýyl halky üçin basyp
alan ýerleri mal bakmaga amatly ýerler-
dir. Siziň gullaryňyzyň bolsa mal-garasy
bar». 5 Olar şeýle dowam etdiler: «Eger
biz siziň öňüňizde merhemet gazanan
bolsak, goý, bu toprak biz gullaryňyza
mülk edilip berilsin. Bizi Iordan derýa-
syndan aňry geçirmäň».

6 Musa olara şeýle jogap berdi: «Do-
ganlaryňyz urşa gidýärkä, siz bu taýda
galmakçymy? 7 Näme sebäpden Rebbiň
özlerine beren ýurduna gitmezlikleri
üçin, ysraýyllaryň ýüregine dowul saljak
bolýarsyňyz? 8 Ýurdy gözden geçirsin-
ler diýip, Kadeşbarneýadan ugradan
atalaryňyz hem şeýle edipdiler. 9 Eşkol
deresine çenli gidip, ýurdy synlanla-
ryndan soň, olar gelip, Rebbiň özlerine
beren ýurduna girmezlikleri üçin, ysra-
ýyllaryň ýüreklerine gorky salypdylar.

[a] **31:52** ***On iki put*** – ýewreýçe *on alty müň ýedi ýüz elli şekel*. Bu takm. 200 kg deňdir.

10 Ol gün Rebbiň gahary geldi we Ol ant
içip, şeýle diýdi: 11 „Müsürden çykan
ýaşy ýigrimi we ondan ýokary bolan
adamlaryň hiç biri Ybraýyma, Yshaga
we Ýakuba wada beren ýurdumy gör-
mez. Çünki olar Maňa bütin kalplary
bilen ynanmadylar. 12 Meniň wada beren
ýurduma diňe Ýepunnäniň ogly Kalep
bilen Nunuň ogly Ýeşuwa baryp biler,
çünki olar Maňa bütin kalby bilen ynan-
dylar“. 13 Onsoň Ysraýylyň garşysyna
Rebbiň gahary geldi we Ol Öz naza-
rynda pislik eden nesil ölüp gutarýança,
olary kyrk ýyllap çölde entetdi. 14 Ine,
indi bolsa siz – günäkärleriň nesli, öz
atalaryňyzyň ornuna geçip, Ysraýylyň
garşysyna Rebbiň gahar-gazap oduny
has-da tutaşdyrdyňyz! 15 Eger siz Rebbiň
yzyna eýermekden boýun towlasaňyz, Ol
bütin halky ýene-de çölüň içinde ýeke
taşlar. Siz hem halkyň ölümine sebäp
bolarsyňyz».

16 Onsoň rubenler bilen gatlar Musa-
nyň ýanyna gelip, oňa şeýle diýdiler:
«Biz bu ýerde dowar sürülerimiz üçin
agyllar we çagalarymyz üçin galalar
gurjak. 17 Emma biz söweşe taýýar bolup,
gaýduwsyz esgerler hökmünde ysraýyl-
laryň öňünden gideris we olary barmaly
ýerlerine çenli elteris. Şu wagt bolsa,
biziň çagalarymyz bu ülkäniň ilatyndan
goranyp, berkidilen galalarda ýaşar-
lar. 18 Ysraýyllaryň her biri öz mülküne
eýe bolýança, biz öýümize gaýtmarys.
19 Biz olar bilen birlikde Iordanyň aňry
gapdalyndan mülk ýer almarys, çünki
biziň paýymyza Iordanyň bäri gapdaly,
gündogar tarapy düşdi».

20 Şonda Musa olara şeýle diýdi: «Eger
siz şu aýdanlaryňyzy edip, gaýduwsyz
esgerler hökmünde Rebbiň huzurynda
söweşe gitseňiz, 21 Reb duşmanlaryny
gaçmaga mejbur edýänçä, gaýduwsyz
esgerler hökmünde hemmäňiz Rebbiň
huzurynda Iordanyň aňry tarapyna geç-
seňiz 22 we ýurt Rebbe tabyn bolsa, ondan
soň siz yzyňyza dolanyp bilersiňiz. Bu
siziň Rebbiň we Ysraýylyň öňündäki
borçlaryňyzy ýerine ýetirdigiňiz bolar
we bu ülke Rebbiň huzurynda siziň
mülküňiz bolar. 23 Eger beýle etmeseňiz,
Rebbe garşy günä iş etdigiňiz bolar we
hökman gazanan günäňiziň jezasyny
çekersiňiz. 24 Çagalaryňyz üçin galalar,
sürüleriňiz üçin agyllar guruň, ýöne
beren wadaňyzy berjaý ediň».

25 Onsoň gatlar bilen rubenler Musa
şeýle diýdiler: «Agamyz näme buýursa,
biz gullaryň berjaý ederis. 26 Çaga-çuga-
larymyz, aýallarymyz, dowarlarymyz we
ähli mal-garalarymyz bu ýerde, Gilgat ga-
lasynda galar. 27 Gullaryň bolan biz bolsa,
gaýduwsyz esgerler hökmünde hemmä-
miz agamyzyň aýdyşy ýaly, derýadan
geçip, Rebbiň huzurynda söweşe çykarys».

28 Onsoň Musa olar hakda ruhany El-
gazara, Nunuň ogly Ýeşuwa we ysraýyl
tireleriniň urugbaşylaryna şeýle buýruk
berdi: 29 «Eger gatlar bilen rubenler gaý-
duwsyz esgerler hökmünde hemmesi
Rebbiň huzurynda siziň bilen Iordandan
geçseler we ol ýurt size tabyn bolsa, on-
da siz olara Gilgat ülkesini mülk edip
beriň. 30 Emma olar gaýduwsyz esgerler
hökmünde siziň bilen derýadan geç-
meseler, onda siziň araňyzda Kengan
topragyndan mülk alarlar». 31 Gatlar
bilen rubenler şeýle jogap berdiler: «Reb
seniň gullaryňa näme buýursa, biz şo-
ny-da berjaý ederis. 32 Biz gaýduwsyz
esgerler hökmünde Rebbiň huzurynda
derýadan geçip, Kengan ýurduna gireris,
ýöne bize miras düşen mülkümiz, goý,
Iordanyň şu gündogar gapdaly bolsun».

33 Musa gatlar bilen rubenlere we
Ýusubyň nesli bolan manaşa tiresiniň

ýarysyna amor hany Sihonyň ýurduny
we Başanyň hany Oguň ýurduny, olaryň
töweregindäki galalarydyr obalary bilen
birlikde berdi. 34 Onsoň gatlar Dibon,
Atarot, Aroger, 35 Atrotşopan, Ýazer, Ýog-
boha, 36 Beýtnimra we Beýtharan ýaly
berk galalary dikeltdiler we dowarlar
üçin agyllar gurdular. 37 Rubenler bolsa
Heşbon, Elgala, Kirýataýym, 38 Nebo,
Bagalmegon (olar käbir galanyň atlaryny
çalyşdylar) we Sibma galasyny täzeden
gurdular. Olar täzeden guran galalary-
na başga atlar dakdylar. 39 Manaşanyň
ogly Makyryň nesilleri gidip, Gilgady
basyp aldylar we ol ýerden amorlary
kowdular. 40 Musa Gilgady Manaşanyň
ogly Makyryň nesillerine berdi. Olar ol
ýerde mesgen tutdular. 41 Manaşanyň
ogly Ýaýyr gidip, olaryň obalaryny ba-
syp aldy we olaryň adyna Hawotýaýyr[a]
goýdy. 42 Noba gidip, Kenaty we onuň
töweregindäki obalary basyp alyp, ol
ýere Noba diýip, öz adyny dakdy.

### 33-nji bap

#### *Müsürden Mowaba çenli ýöriş*

1 Musa bilen Harunyň ýolbaşçylygy
astynda tireme-tire ýöreýän ysraýyllaryň
Müsürden çykanlaryndan soňky düşlän
düşelgeleri şulardyr. 2 Musa Rebbiň emri
bilen düşlän düşelgelerini her gezek ýa-
zyp belledi. Olaryň düşlän düşelgeleri
şulardyr: 3 ysraýyllar birinji aýyň on
bäşine Pesah baýramynyň ertesi güni
müsürlileriň gözüniň alnynda arkaýyn-
lyk bilen Ragmeses galasyndan çykyp
gaýtdylar. 4 Ol wagt müsürliler Rebbiň
gyran nowbahar ogullaryny jaýlaýardy-
lar. Reb hatda olaryň hudaýlaryny-da
jezalandyrypdy.

5 Ysraýyllar Ragmesesden çykyp, Su-
kotda düşlediler. 6 Soňra Sukotdan çykyp,
çölüň gyrasyndaky Etamda düşlediler.
7 Etamdan çykyp, olar yzlaryna, Bagalse-
ponyň gündogaryndaky Pihahyrota tarap
öwrülip, Migdolyň golaýynda düşlediler.
8 Pihahyrotdan çykyp, deňziň içi bilen
çöle tarap gitdiler. Etam çölünde üç gün-
läp ýöräp, Marada düşlediler. 9 Ysraýyllar
Maradan çykyp, Eýlime geldiler. Ol ýer-
de on iki sany suwly çeşme we ýetmiş
sany palma agajy bardy. Olar suwuň
başynda düşlediler. 10 Eýlimden çykyp
gelip, Gyzyl deňziň kenarynda düşlediler.
11 Gyzyl deňziň kenaryndan gaýdyp, Sin
çölünde, 12 Sin çölünden gaýdyp, Dop-
kada, 13 Dopkadan çykyp gelip, Aluşda,
14 Aluşdan çykyp gelip, Repidimde düş-
lediler. Ol ýerde halk üçin içmäge suw
ýokdy. 15 Soň Repidimden çykyp, Sinaý
çölünde, 16 Sinaý çölünden çykyp gelip,
Kibrothatawada, 17 Kibrothatawadan
çykyp gelip, Haserotda, 18 Haserotdan
çykyp gelip, Ritmada, 19 Ritmadan çykyp
gelip, Rimmonperesde, 20 Rimmonperes-
den çykyp gelip, Libnada, 21 Libnadan
çykyp gelip, Risada, 22 Risadan çykyp
gelip, Kehelatada, 23 Kehelatadan çykyp
gelip, Şeper dagynda, 24 Şeper dagyndan
çykyp gelip, Haradada, 25 Haradadan
çykyp gelip, Makhelotda, 26 Makhelot-
dan çykyp gelip, Tahatda, 27 Tahatdan
çykyp gelip, Terada, 28 Teradan çykyp
gelip, Mitkada, 29 Mitkadan çykyp gelip,
Haşmonada, 30 Haşmonadan çykyp gelip,
Moserotda, 31 Moserotdan çykyp gelip,
Beneýagakanda. 32 Beneýagakandan
çykyp gelip, Horhagydgatda, 33 Hor-
hagydgatdan çykyp gelip, Ýotbatada,
34 Ýotbatadan çykyp gelip, Abronda,
35 Abrondan çykyp gelip, Esýongeberde,

[a] **32:41** ***Hawotýaýyr*** – bu söz *Ýaýyryň obalary* diýmegi aňladýar.

36 Esýongeberden çykyp gelip, Sin çö-
lünde (ýagny Kadeşde), 37 Kadeşden
çykyp gelip, Edomyň serhedindäki Hor
dagynda düşlediler.
38 Ruhany Harun Rebbiň buýrugy bilen
Hor dagyna çykdy. Ol şol ýerde ysraýyl-
laryň Müsürden çykanlaryndan soňky
kyrkynjy ýylynyň bäşinji aýynyň birinji
güni amanadyny tabşyrdy. 39 Hor dagynda
ölen Harun bir ýüz ýigrimi üç ýaşyndady.
40 Negepde ýaşaýan kengan Arat hany
ysraýyllaryň gelýändigi hakda eşitdi.
41 Ysraýyllar Hor dagyndan gaýdyp,
Salmonada düşlediler. 42 Salmonadan
çykyp, Punonda düşlediler. 43 Punondan
çykyp, Obotda düşlediler. 44 Obotdan çy-
kyp, Mowap ýurdundaky Iýeý Abarymda
düşlediler. 45 Iýeý Abarymdan çykyp,
Dibongatda düşlediler. 46 Dibongatdan
çykyp, Almondyblataýmada düşlediler.
47 Almondyblataýmadan çykyp, Nebonyň
golaýyndaky Abarym daglarynda düş-
lediler. 48 Abarym daglaryndan gaýdyp,
Iordan derýasynyň boýunda, Ýerihonyň
garşysynda ýerleşýän Mowap düzlügin-
de düşlediler. 49 Olar Iordan derýasynyň
boýunda, Beýtýeşimotdan tä Abelşitime
çenli Mowap düzlüginde düşelge gurup
oturdylar.

### *Kenganyň basylyp alynmaly ýerleri*

50 Iordanyň boýunda, Ýerihonyň gar-
şysyndaky Mowap düzlüginde Reb
Musa bilen gepleşip, oňa şeýle diýdi:
51 «Ysraýyllara aýt, Iordan derýasyndan
geçip, Kengana baranlarynda, 52 ýurduň
ilatynyň hemmesini kowup çykarsynlar.
Olaryň ähli daş we guýma butlaryny
döwsünler, seždegählerini ýok etsinler.
53 Ýurdy basyp alyp, ol ýerde mesgen
tutsunlar, çünki Men ony olara mülk
edip berdim. 54 Ýurdy bije boýunça tireler
arasynda paýlaşsynlar. Uly tirä uly mülk,
kiçi tirä-de kiçi mülk berilsin. Kimiň
bijesi çyksa, mülk hem şonuňky bolar.
Mülk tirelere görä paýlansyn. 55 Emma
ysraýyllar ýerli ilaty kowup çykarmasa-
lar, onda ol ýerde galanlar ysraýyllaryň
gözlerine dürtülen iňňe, böwürlerine
sanjylan tiken ýaly bolarlar. Ýaşajak
ýurtlarynda olar ysraýyllary ezerler.
56 Men hem olara çekdirjek azaplarymy
ysraýyllaryň başyndan indererin».

## 34-nji bap

### *Ýurduň serhetleri*

1 Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ysraýyllara
şeýle buýruk ber: „Siz Kengan ýurdu-
na gireniňizde, size mülk hökmünde
berilýän bu topragyň serhetleri çäk-
lendirilendir. 3 Siziň günorta serhediňiz
Sin çölünden Edom serhediniň boýuna
uzalyp gider. Ol gündogarda Öli deň-
ziň günorta kenaryndan başlanýandyr.
4 Soňra serhet Içýan geçidiniň günorta-
syndan öwrülip, Sin çölüne geçer. Ondan
Kadeşbarneýanyň günortasyna çenli,
Hasaradara tarap uzalyp, Asmona ta-
rap geçer. 5 Serhet Asmondan öwrülip,
Müsür derýasyna tarap uzalyp gider we
onuň çeti Ortaýer deňzine baryp ýeter.
6 Ortaýer deňzi we onuň kenary siziň
günbatar serhediňiz bolup hyzmat eder.
Bu siziň günbatar araçägiňiz bolar.
7 Siziň demirgazyk araçägiňiz şeýle
bolar: Ortaýer deňzinden Hor dagyna
çenli aralykda öz serhediňizi bellärsiňiz.
8 Hor dagyndan Lebohamada çenli öz
serhediňizi bellärsiňiz we serhet ondan
soň Sedat galasynyň içinden geçer. 9 Ara-
çäk Sedatdan gündogara Ziprona tarap
uzalyp, onuň bir ujy Hasareýnana ýeter.
Bu siziň demirgazyk serhediňiz bolar.
10 Gündogar serhediňiz demirgazyk-
da Hasareýnandan başlanyp, günorta

Şepama tarap uzalyp gider. 11 Serhet
Şepamdan Aýynyň gündogar gapda-
lyndaky Ribla tarap öwrülip, Kinneret
deňziniň gündogar ýapgydyna çenli
baryp ýeter. 12 Soňra serhet Iordanyň
boýy bilen aşaklygyna gidip, onuň çeti
Öli deňze baryp ýeter. Daş-töweregin-
de şeýle serhetleri bolan bu ýurt siziň
ýurduňyz bolar“». 13 Musa ysraýyllara
buýruk berip, şeýle diýdi: «Rebbiň size
bije atyp, dokuz tiräniň we günbatardaky
manaşa tiresiniň arasynda paýlama-
gy emr eden mülki, ine, şu toprakdyr.
14 Ruben, gat tireleri we gündogardaky
manaşa tiresi uruglaryna görä özleriniň
mülküni eýýäm aldylar. 15 Bu iki tire we
manaşa tiresiniň ýarysy özlerine mülki
Iordanyň aňyrsyndan, Ýerihonyň gün-
dogaryndan aldylar».

### *Tire ýolbaşçylary*

16 Reb Musa şeýle diýdi: 17 «Ýeri size
mülk edip paýlap berjek adamlar, ine
şulardyr: ruhany Elgazar we Nunuň
ogly Ýeşuwa. 18 Mülki paýlamak üçin
her tireden bir adamy ýolbaşçy hem
saýlaň. 19 Ýolbaşçy saýlanmaly adamlar
şulardyr: ýahuda tiresinden Ýepunnä-
niň ogly Kalep. 20 Şimgon tiresinden
Emihudyň ogly Şamuwel. 21 Benýamin
tiresinden Kislonyň ogly Elidat. 22 Dan
tiresinden Ýoglynyň ogly Buky serdar.
23 Ýusubyň nesilleri: manaşa tiresinden
Efodyň ogly Hannyýel serdar. 24 Efra-
ýym tiresinden Şiptanyň ogly Kemuwal
serdar. 25 Zebulun tiresinden Parnagyň
ogly Elisapan serdar. 26 Ysakar tiresinden
Azanyň ogly Paltyýel serdar. 27 Aşer tire-
sinden Şelomynyň ogly Ahyhut serdar.
28 Naftaly tiresinden Emihudyň ogly
Pedahel serdar». 29 Rebbiň Kengan ýur-
dunda ysraýyllara mülk paýlap bermegi
emr eden adamlary şulardan ybaratdy.

## 35-nji bap

### *Lewilere berilmeli galalar*

1 Iordan derýasynyň boýunda, Ýeri-
honyň garşysynda ýerleşýän Mowap
düzlüginde Reb Musa şeýle diýdi: 2 «Ys-
raýyllara şeýle buýruk ber, goý, olar
özlerine miras düşen mülklerinden le-
wilere ýaşar ýaly galalar bersinler. Şol
galalaryň töweregindäki öri meýdanla-
ryny-da lewilere bersinler. 3 Bu galalar
lewileriň ýaşamagy üçindir. Galalaryň
töweregindäki öri meýdanlary bolsa
lewileriň sürüleri we ähli mal-garala-
ry üçindir. 4-5 Galanyň diwaryndan çar
tarapa müň tirsek aralyk goýup, onuň
gündogar we günorta taraplaryny iki
müň tirsek, günbatar we demirgazyk
taraplaryny-da iki müň tirsek edip, lewi-
lere beriljek galalaryň öri meýdanlaryny
dörtburç şekilinde ölçäň».

### *Gaçybatalga galalary*
*(Kanun taglymaty 19:1-13;*
*Ýeşuwa 20:1-9)*

6 «Lewilere berýän galalaryňyzyň
altysy gaçybatalga galalary bolsun.
Bulardan başga ýene kyrk iki galany
lewilere beriň. 7 Lewilere öri meýdan-
lary bilen birlikde jemi kyrk sekiz gala
beriň. 8 Olara berjek galalaryňyz tire
paýy görnüşinde bolsun. Galalary köp
bolan uly ysraýyl tiresinden köp gala,
galalary az bolan kiçiräk tireden bolsa
az gala alnyp, her tire öz mülk paýyna
görä lewilere bersin». 9 Soňra Reb Musa
şeýle diýdi: 10 «Ysraýyllara aýt, Iordan
derýasyndan geçip, Kengan topragyna
gireniňizde, 11 özüňiz üçin gaçybatalga
galalaryny saýlaň. Tötänlikde adam
öldüren ganhor, goý, şol ýere gaçsyn.
12 Bu galalar ganhora jemagatyň öňünde

hüküm çykarylýança, öldürileniň hossa-
ryndan gaçybatalga bolup hyzmat etsin.
[13]Özüňiz üçin jemi alty sany gaçy-
batalga galasyny belläň: [14]olaryň üçüsi
Iordan derýasynyň gündogar tarapynda,
üçüsi hem Kengan topragynda bolsun.
[15]Bu alty gala ysraýyllara we araňyzda
ýaşaýan gelmişeklere, göçüp gelenlere
gaçybatalga bolup hyzmat etsin. Tötän-
likde adam öldürip, ganhor bolan adam
ol ýere gaçyp biler.

### *Ganhorlyk we ar almak hakda*

[16]Eger-de biri demirden ýasalan zat
bilen başga birini urup öldürse, ol adam
ganhordyr. Ganhoryň jezasy ölüm bol-
sun. [17]Eger biri adama degende öldürip
biljek daş bilen adam urup öldürse, ol
ganhordyr. Ganhoryň jezasy ölüm bol-
sun. [18]Ýa-da biri adama degende öldürip
biljek agaç bölegi bilen adam urup öl-
dürse, ol ganhordyr. Ganhoryň jezasy
ölüm bolsun. [19]Dökülen gan üçin öl-
dürileniň hossary ganhory öldürer. Ol
öz gandaryny duşan ýerinde öldürsin.
[20]Şunuň ýaly-da, eger biri başga bir
adamy ýigrenýändigi üçin itekläp ýa-da
başga biri bukuda ýatyp, oňa tarap bir
zat zyňyp öldürse, [21]ýa-da duşmançy-
lykdan ony eli bilen urup öldürse, onda
ony öldüren adam ölüme höküm edilsin.
Ol adam ganhordyr, öldürileniň hossary
ganhory duşan ýerinde öldürsin.
[22]Emma biri duşmançylyk etmezden,
bir adamy tötänlikde itip goýberse ýa-da
bukuda ýatyp peýlemezden, oňa tarap
bir zat zyňyp goýberse, [23]ýa-da adama
degende öldürip biljek daşy seretmän
zyňyp, tötänlikde bir adamyň ganyna
galsa, öldüren bilen öleniň arasynda
duşmançylyk bolmandygyna we öldü-
reniň oňa şikes ýetirmek islemändigine
garamazdan, [24]ganhor bilen öldürileniň
hossarynyň arasyndaky dawany şu ka-
da-kanunlar boýunça jemagat çözsün.
[25]Jemagat öldürileniň hossarynyň elin-
den ganhory halas etsin we ony başdaky
gaçyp baran gaçybatalga galasyna ug-
ratsyn. Depesine mukaddes ýag guýlup
bellenen baş ruhany ölýänçä, ganhor
şol ýerde bolmalydyr. [26]Emma ganhor
ilki gaçyp baran gaçybatalga galasynyň
çäginden daşa çyksa [27]we öldürileniň
hossary ony tapyp öldürse, öldürile-
niň hossary ganhor saýylmaly däldir.
[28]Çünki ganhor baş ruhany ölýänçä,
gaçybatalga galasynyň daşyna çykmaly
däldir. Ol diňe baş ruhany ölenden soň,
öz öýüne gaýdyp biler.
[29]Bular siz nirede ýaşasaňyz-da, ne-
siller boýy size parz we höküm bolsun.
[30]Eger bir adam başga bir adamy öl-
dürse, şaýatlaryň görkezmesi esasynda
ol ölüme höküm edilsin, emma diňe bir
şaýadyň görkezmesi esasynda ol ölüme
höküm edilmeli däldir. [31]Ölüm jeza-
syna höküm edilen ganhoryň janynyň
öwezine hun alynmasyn, ganhor öldüril-
melidir. [32]Gaçybatalga galasyna gaçyp
baran biriniň baş ruhany ölmezden öň
öz topragyna gaýdyp barmagy üçin on-
dan töleg almaň. [33]Gan topragy harama
çykarýandyr, öz ýaşaýan topragyňyzy
haramlamaň. Dökülen gany toprakdan
diňe ganhoryň gany bilen ýuwup bolar.
[34]Meniň mekan tutan topragymy, ýagny
öz ýaşaýan ýeriňizi haramlamaň. Çün-
ki ysraýyl halkynyň arasynda ýaşaýan
Reb Mendirin».

## 36-njy bap

### *Durmuşa çykan gyzlaryň mülki*

[1]Makyryň ogly, Manaşanyň agty-
gy, Ýusubyň çowlugy bolan Gilgadyň
nesilleriniň urugbaşylary öňe çykyp,

Musanyň, ýolbaşçylaryň we ysraýyl ti-
releriniň urugbaşylarynyň öňünde şeýle
diýdiler: 2«Reb ýurdy bije atyp, mülk
hökmünde ysraýyllara paýlap ber diýip,
agamyz Musa emr etdi. Doganymyz
Selophadyň mülküni onuň gyzlaryna
bermegi hem Reb agamyza buýurdy.
3Eger Selophadyň gyzlary Ysraýylyň
başga tiresinden bolanlara durmu-
şa çyksalar, onda olaryň mülki biziň
mülkümizden aýrylyp, baran ärleriniň
tiresine goşular. Şeýdip, bijede biziň
mülk paýymyz kemeler. 4Ysraýyllaryň
baýram ýyly gelende bolsa, gyzlaryň
mülki ärleriniň tiresiniň mülküne go-
şular. Şeýlelikde, olaryň mülki biziň
tirämiziň mülkünden alnar».

5Onsoň Musa Rebbiň emri boýunça
ysraýyllara şeýle buýurdy: «Ýusubyň
tiresiniň nesilleriniň diýýäni dogrudyr.
6Selophadyň gyzlary hakda Reb şeýle
diýdi: „Olar islän adamsyna durmuşa
çykyp bilerler, ýöne olaryň barjak kişile-
ri öz tirelerinden bolsun. 7Ysraýyllaryň
mülki bir tireden başga bir tirä geçmeli
däldir. Ähli ysraýyllar öz tireleriniň mül-
küne eýelik etsinler. 8Islendik ysraýyl
tiresinden mülk alan gyz, öz tiresinden
bolan kişä durmuşa çyksyn. Şonda her
bir ysraýylly öz atalarynyň mülküne
müdimilik eýelik edip biler. 9Hiç bir
mülk bir tireden başga bir tirä geçmeli
däldir. Ysraýyl tireleriniň her biri öz
mülküne eýelik etsin“».

10Selophadyň gyzlary Rebbiň Mu-
sa buýruşy ýaly hem etdiler. 11Onuň
gyzlary Mahla, Tirsa, Hogla, Milka
we Noga öz kakasynyň doganlarynyň
ogullaryna durmuşa çykdylar. 12Olar
Ýusubyň ogly Manaşanyň nesilleriniň
uruglaryndan bolan kişilere durmuşa
çykdylar. Şeýdip, olaryň mülki öz ata-
larynyň tiresinde galdy.

13Iordan derýasynyň boýunda, Ýe-
rihonyň garşysynda ýerleşýän Mowap
düzlüginde Rebbiň Musa arkaly ys-
raýyllara beren parzlardyr hökümleri
şulardan ybaratdy.

# Kanun taglymaty

## Giriş

Ysraýyl halky Iordan derýasyndan geçip, Kengany basyp almagyň öňüsyrasyndady. Emma Hudaý Musa pygamberi ysraýyllary Kengan ýurduna getirmekden saklady. *Çölde* kitabynda Hudaý Musanyň Iordan derýasynyň gündogarynda öljekdigini aýdypdy. Musa ysraýyl halkynyň öňünde hoşlaşyk sözüni sözläp, halka Hudaýyň kanunlaryny ýatlatdy.

Şeýle hem Musa ysraýyllara geçen kyrk ýyly ýatlatdy. Hudaý ysraýyllary Müsürden halas edip, çölde olaryň aladasyny etdi, emma ysraýyllar Hudaýa hemişe wepaly bolmadylar, Ony diňlemediler.

Musa ysraýyllara Rebbe ybadat edip, Onuň tabşyryklaryny berjaý etseler, duşmanlaryndan üstün çykyp, güýçli halk boljakdygyny aýtdy. Emma ähti bozup, butlara sežde etseler, Rebbiň halka nejis nälet siňdirjekdigi barada duýdurdy. Bu näletiň netijesinde duşmanlar olardan üstün çykarlar, olar öz ýurtlaryndan we janlaryndan mahrum bolarlar. Şeýle-de, bu kitap geljekki patyşanyň özüni nähili alyp barmalydygyny öwredýär.

***Mazmuny***


Halk çöllükde ........ *1:1–3:29*
Musa pygamber halky Äht bilen tanyşdyrýar ........ *4:1–11:32*
Ähtiň talaplary ........ *12:1–26:19*
Ähtiň däp-dessurlary ........ *27:1–30:20*
Musa pygamberiň soňky sözi ........ *31:1–34:12*


---

### 1-nji bap

***Halk Horepden çykýar***

1Ine, bu sözler Musanyň Iordan derýa-
synyň gündogarynda – çöllükde ýaşaýan
tutuş ysraýyl halkyna aýdan sözleri. Olar
Supuň garşysyndaky Araba düzlügin-
de, Paran galasy bilen Topel, Laban,
Haserot we Dizahap galalarynyň araly-
gynda ýaşaýardylar. 2Horep[a] dagyndan
Kadeşbarneýa çenli aralyk Segir dagly-
gynyň üsti bilen gideniňde, on bir günlük
ýoldy. 3Kyrkynjy ýylyň on birinji aýynyň
birinji güni, Musa Rebbiň buýruşy ýaly
edip, ysraýyllara Onuň buýruklaryny
ýetirdi. 4Bu Musanyň Heşbonda höküm
süren amorlaryň hany Sihony, şeýle hem,

---

[a] **1:2** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

Aştarotda we Edreýde höküm süren Ba-
şan ýurduň hany Ogy ýeňenden soň boldy.
[5]Musa Iordanyň gündogarynda – Mowap
ýurdundaka ysraýyllara şu kanuny beýan
etmäge başlady: [6]«Hudaýymyz Reb Ho-
rep dagynda şeýle diýdi: „Siz bu dagda
uzak wagt bolduňyz. [7]Indi ýörişiňizi do-
wam ediň, amorlaryň ýaşaýan daglygyna,
şeýle hem, goňşy ülkelere: Araba düz-
lügine, daglyga, günbatar baýyrlyklara,
Negep çölüne, deňiz ýakasyndaky Ken-
gan ýurduna, Liwana we beýik Ýewfrat
deryýasyna çenli gidiň. [8]Ine, Men bu ýurdy
siziň öňüňizde goýdum. Meniň ata-baba-
laryňyz Ybraýyma, Yshaga, Ýakuba we
olaryň nesillerine bermegi wada eden
ýurduma gidiň-de, ony mülk ediniň“».

### ***Musa halka baştutanlar belleýär***
*(Müsürden çykyş 18:13-27)*

[9]«Şol wagt men size şeýle diýdim: „Sizi
ýeke özüm başaryp biljek däl. [10]Huda-
ýyňyz Reb sizi köpeltdi. Şonuň üçin-de
bu gün siziň sanyňyz asmandaky ýyl-
dyzlar deý kän. [11]Size söz berşi ýaly,
ata-babalaryňyzyň Hudaýy Reb, goý,
siziň sanyňyzy mundan-da müň esse
artdyrsyn we sizi ýalkasyn! [12]Ýöne me-
niň ýeke özüm ähli dawalaryňyzyň agyr
ýüküni gerdenimden nädip aýrarkam?
[13]Her tiräňizden akylly-paýhasly, düş-
bi we tejribeli adamlary saýlaň“. [14]Siz
maňa: „Seniň netijä gelen pikiriň gowy
pikir“ diýip jogap berdiňiz. [15]Şeýlelikde,
men siziň her tiräňizden saýlanan bu akyl-
ly-paýhasly we tejribeli adamlary siziň
üstüňizden baştutan edip, müňbaşylar,
ýüzbaşylar, ellibaşylar, onbaşylar goýdum
we beýleki baştutanlary belledim. [16]Şol
wagt men size kazylary hem belledim we
olara: „Halkyň arasyndaky dawalara üns
berip gulak goýuň, isle ol ýerli bolsun, isle
gelmişek bolsun, iki adamyň arasyndaky
dawany adalatly çözüň. [17]Siz kazylyk
edeniňizde, tarapgöýlik etmeli dälsiňiz:
uly dawany-da, kiçi dawany-da deň diň-
läň. Hiç kimden gorkmaň, çünki çözgüt
Hudaýdandyr. Size çözmesi kyn düşen
dawany maňa getiriň, ony özüm diňlärin“
diýdim. [18]Şeýdip, şol wagt men size etme-
li ähli işleriňizi tabşyrdym».

### ***Kadeşbarneýa içalylar iberilýär***
*(Çölde 13:1-33)*

[19]«Soňra Hudaýymyz Rebbiň edil bi-
ze buýruşy ýaly, biz Horep dagyndan
çykyp, amorlaryň ýaşaýan daglygynyň
üsti bilen tä Kadeşbarneýa baryp ýet-
ýänçäk, siziň gören ägirt uly we ýowuz
çölüňiziň içi bilen gitdik. [20]Ol ýerde
men size şeýle diýdim: „Hudaýymyz
Rebbiň bize berjek amorlaryň ýaşa-
ýan daglygyna-da gelip ýetdik. [21]Ine,
Hudaýyňyz Reb bu ýurdy size berdi.
Gidiň-de, ata-babalaryňyzyň Hudaýy
Rebbiň size söz berşi ýaly, ony mülk edi-
niň. Gorkmaň, dowla düşmäň“. [22]Emma
siziň hemmäňiz şonda meniň ýanyma
gelip: „Geliň, ýurdy gözden geçirmek
üçin öz aramyzdan adamlary ýollalyň.
Olar biziň gitjek ýolumyz hakda, barjak
galalarymyz barada habar getirerler“
diýdiňiz. [23]Bu pikir meniň göwnüme
makul boldy. Men her tireden bir adam
alyp, jemi on iki adam saýladym. [24]Olar
ýola düşüp, daglyga tarap gitdiler. Eşkol
deresine ýetenlerinde, olar ony gowy
gözden geçirdiler. [25]Yzlaryna dolanyp
gelenlerinde, olar bize şol ýurduň miwe
önümlerinden ýygyp getirdiler. Olar:
„Hudaýymyz Rebbiň bize berýän ýurdy
gowy ýurt eken“ diýen habary getirdiler.
[26]Emma siz ol ýere gitmek islemediňiz.
Hudaýyňyz Rebbiň buýrugyna garşy
baş göterdiňiz. [27]Siz çadyrlaryňyzda
hüňürdeşip şeýle diýdiňiz: „Reb bizi

ýigrenýär, Ol bizi amorlaryň eline berip
ýok etmek üçin Müsürden çykaryp ge-
tiripdir. 28 Biz ol ýere nädip gideli? Ol
ýere goýberen doganlarymyzyň: ‘Ol
ýerdäki adamlar bizden güýçli we uzyn
boýly. Olaryň galalary göge ýetip du-
ran beýik we berk diwarly galalardyr!
Biz ol ýerde hatda anaklary-da gördük’
diýen habary biziň ýüregimizi howsala
saldy“. 29 Men size şeýle diýdim: „Olar-
dan gorkmaň, dowla düşmäň. 30 Müsürde
we çölde edil gözüňiziň alnynda siziň
üçin söweşişi ýaly, ýene-de öňüňizden
ýöräp, siziň üçin söweşjek Hudaýyňyz
Rebdir. 31 Çölde ýol boýy ýöriş edip,
şu ýere gelip ýetýänçäňiz, edil enäniň
öz çagasyny elinde göterip gelşi ýaly,
Hudaýyňyz Rebbiň sizi nähili gorap ge-
tirendigini özüňiz gördüňiz. 32-33 Emma
siz şonda-da gijesine ot, gündizine bulut
görnüşinde düşlejek ýeriňizi, ýörejek
ýoluňyzy görkezip, öňüňizden gidýän
Hudaýyňyz Rebbe ynam etmediňiz“».

### *Reb ysraýyllary jezalandyrýar*

34 «Siziň sözleriňizi eşidip, Rebbiň gaty
gahary geldi we ant içip: 35-36 „Meniň siz
üçin ata-babalaryňyza söz beren gowy
ýurdumy Ýepunne ogly Kalepden başga
bu pis nesliň hiç biri görmez. Muny diňe
Kalep görer. Men-Rebbe ýürekden wepa-
lydygy üçin Men oňa we onuň nesillerine
aýak basan ýurduny berjek“ diýdi. 37 Siz
sebäpli Rebbiň hatda maňa-da gahary
gelip, Ol maňa şeýle diýdi: „Sen hem ol
ýurda aýagyňy sekmersiň. 38 Ol ýurda
seniň kömekçiň Nunuň ogly Ýeşuwa
barar. Sen ony golda, çünki ýerleri ysra-
ýyllara mülk edip paýlap berjek ýeke-täk
adam şoldur“. 39 Onsoň Reb tutuş halka:
„Uruşda ýesir düşer öýden perzentleriňiz,
ýagny bu günki gün ýagşyny-ýamany
saýgarmaýan çagalaryňyz ol ýere ba-
rarlar. Men bu ýurdy olara berjek, olar
muny mülk edinerler. 40 Emma siz bolsa
Gyzyl deňziň [a] ýoly bilen yzyňyza, çöle
tarap ýöriş ediň“ diýdi. 41 Siz maňa: „Biz
Rebbe garşy günä etdik! Hudaýymyz
Rebbiň bize buýruşy ýaly, biz gidip sö-
weşmäge taýýar“ diýip jogap berdiňiz.
Şeýlelikde, ähliňiz söweş ýaraglaryňyzy
dakynyp, daglyga çykmak ýeňil bolar
öýdüp pikir etdiňiz. 42 Reb maňa: „Olara
aýt: gitmesinler, uruşmasynlar, çünki
Men olaryň arasynda bolmaryn. Şonuň
üçin hem olar duşmanlaryndan ýeňlerler“
diýdi. 43 Men muny size ýetirdim, emma
siz gulak asmadyňyz. Siz Rebbiň buý-
rugyna garşy baş göterip, men-menlik
bilen daglyga gitdiňiz. 44 Ol daglykda
ýaşaýan amorlar garşyňyza çykyp, Segir-
den Horma çenli sizi arylar deý kowalap
ýençdiler. 45 Siz yzyňyza dolanyp gelip,
Rebbe dady-perýat etdiňiz. Reb siziň
sesiňize ne gulak saldy, ne-de üns berdi.
46 Soňra siz uzak wagtlap Kadeşbar-
neýada galdyňyz».

## 2-nji bap

1 «Rebbiň maňa aýdyşy ýaly, biz Gy-
zyl deňziň ýoly bilen çöle tarap gaýtdyk
we ençeme günläp Segir daglygynyň
töwereginde aýlanyp gezdik».

### *Ysraýyllar Edomyň we Mowabyň içinden geçýärler*

2 «Soňra Reb maňa şeýle diýdi: 3 „Siz
bu daglygyň daşynda gaty köp aýlandy-
ňyz. Indi sen demirgazyk tarapa öwrül
4 we adamlardan şulary talap et: ‘Siz
häzir Segirde ýaşaýan garyndaşlaryňyz
Ysawyň nesilleriniň üstünden geçmeli.

---

[a] **1:40** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

Olar sizden gorkarlar, şonuň üçin siz
örän seresap boluň. 5 Olar bilen urşa
girişmäň, çünki Men size olaryň ýe-
rinden ýekeje garyş-da ýer berjek däl.
Çünki Segir daglygyny Men Ysawa mülk
berdim. 6 Siz iýjek iýmitiňizi hem, içjek
suwuňyzy hem olardan satyn alyp iýip-
içiň’“. 7 Hudaýyňyz Reb, hakykatdan-da,
siziň her bir tutan işiňize bereket berdi.
Siziň bu ummasyz çölüň içi bilen bar-
ýandygyňyzy Ol bilýärdi. Şol geçen kyrk
ýylyň içinde, Hudaýyňyz Reb siziň bilen
bile boldy. Siz hiç zada zar bolmadyňyz.
8 Şeýdip, biz Segirde ýaşaýan ga-
ryndaşlarymyz Ysawyň nesilleriniň
üstünden geçdik. Eýlat we Esýonge-
berden Araba düzlügine gidýän ýol bilen
gidip, Mowap çölüne tarap ugradyk.
9 Reb maňa: „Mowaplara duşman gö-
zi bilen garama ýa-da olar bilen urşa
girme, çünki Ar galasyny Lutuň nesil-
lerine mülk berendigim sebäpli, Men
size olaryň ýerinden mülk edip, hiç zat
berjek däl“ diýdi. 10 (Ol ýerde anaklar
ýaly uzyn boýly, güýçli we köp sanly
eýmimler ýaşaýardy. 11 Olar hem anaklar
ýaly rapalar saýylýardy. Emma mowap-
lar olary eýmimler diýip atlandyrdylar.
12 Şeýle hem Segirde horylar ýaşaýardy-
lar, emma Ysawyň nesilleri olary kowup
çykardylar. Ysraýyllaryň Rebbiň mülk
beren ýerinde edişleri ýaly, Ysawyň ne-
silleri-de olary ýok edip, ýerlerinde özleri
ornaşdylar.) 13 Reb: „Indi bolsa Zeret de-
resinden geçeliň“ diýdi. Şeýdip, Rebbiň
buýrugyna görä, biz Zeret deresinden
geçdik. 14 Kadeşbarneýadan ýola düşüp,
Zeret deresinden geçýänçäk, dogry otuz
sekiz ýyl geçdi. Rebbiň aýdyşy ýaly, şol
döwrüň içinde bu nesliň urşujylary ölüp
gutardy. 15 Hawa, tä Ysraýyl düşelgesin-
däki urşujylaryň ähli ölüp gutarýança,
hut Rebbiň Özi olara garşy boldy.
16 Halkyň arasyndaky ähli urşujylar ölüp
gutaran badyna, 17 Reb maňa şeýle diýdi:
18 „Bu gün siz Ar galasynda Mowabyň
araçägini kesip geçersiňiz. 19 Ammonla-
ryň serhedine golaýlaşanyňyzda, olara
duşmançylyk gözi bilen garamaň, olar
bilen urşa girmäň, sebäbi Men ammon-
laryň ýerini size mülk berjek däldirin,
çünki Men ol ýeri Lutuň nesillerine ber-
dim“. 20 (Aslynda bu ýer rapalaryň ýeri
hasaplanýardy. Olar bu ýerde öňden bäri
ýaşaýardylar. Ammonlar olara zamzumlar
diýip at berdiler. 21 Zamzumlar anaklar
ýaly uzyn boýludylar, güýçlüdiler we san
taýdan köp adamlydylar. Muňa garamaz-
dan, Reb olary ammonlaryň öňünden ýok
etdi. Ammonlar olary kowup çykaryp,
olaryň ýerinde özleri ornaşdylar. 22 Reb
Segirde ýaşaýan Ysawyň nesilleri bilen
hem şeýle etdi. Olaryň öňünden horyla-
ry ýok etdi. Ysawyň nesilleri horylary
kowup çykaryp, olaryň ýerinde özleri
ornaşdylar. Hatda olar şu güne çenli hem
şol ýerde ýaşaýarlar. 23 Kaptordan çykyp
gaýdan kaptorlylar Gaza galasyna çenli
gidýän obalarda ýaşaýan awalary ýok edip,
olaryň ýerinde özleri ornaşdylar.) 24 „Tur,
ýola düş! Arnon jülgesinden geç! Ine, Men
Heşbondaky amorlaryň hany Sihony we
onuň ýerini seniň eliňe berdim. Ýurdy
eýelemäge başla, Sihon bilen urşa gir. 25 Şu
günden başlap, Men ýer ýüzündäki ähli
halkyň üstünden gorky we howp salaryn.
Seniň adyňy eşidenlerinde, olar gorkudan
ýaňa titreşer durarlar“».

### *Ysraýyllar Sihon bilen Og hany derbi-dagyn edýärler*
*(Çölde 21:1-30)*

26 «Şeýdip, men Kedemot çölünden
Heşbonyň hany Sihona, ine, şu parahat-
çylyk sözlerini aýdyp, ilçileri ýolladym:
27 „Maňa öz ýurduňyň üstünden geçmäge

rugsat et. Diňe ýoldan ýöräýin, saga hem,
çepe hem sowulmaýyn. 28 Iýmäge iými-
timizi, içmäge suwumyzy sizden satyn
alaly. Pyýadalap diňe ýoluňdan geçsem
bolýar. 29 Segirde ýaşaýan Ysawyň nesil-
leri ýaly we Arda ýaşaýan mowaplar ýaly,
sen hem maňa Iordandan geçip, Hudaýy-
myz Rebbiň bize berýän ýurduna ýetmek
üçin öz ýurduňyň üstünden geçmäge
rugsat et“. 30 Emma Heşbonyň hany Sihon
bize ýurdunyň üstünden geçmäge rugsat
etmedi. Çünki Hudaýyňyz Reb şu günki
görşüňiz ýaly, ony siziň eliňize bermek
üçin, onuň kalbyny gatadyp, doňýürek
etdi. 31 Reb maňa: „Ine, Men Sihony we
onuň ýurduny saňa bermäge girişdim. In-
di sen hem onuň ýerini eýelemäge başla“
diýdi. 32 Şeýlelikde, Sihon ähli urşujylary
bilen Ýahasda biziň garşymyza söweşmä-
ge çykdy. 33 Hudaýymyz Reb ony biziň
elimize berdi. Biz Sihonyň özüni, onuň
tohum-tijini we ähli urşujylaryny gyrdyk.
34 Şol bir wagtyň özünde onuň ähli gala-
laryny basyp aldyk. Ähli galalaryndaky
erkekleri, aýallary we çagalary bütinleý
ýok etdik. Ol ýerde ýekeje-de adam gal-
dyrmadyk. 35 Diňe mal-garalary, şeýle
hem basyp alan galalarymyzyň baýlyk-
laryny olja edip aldyk. 36 Arnon jülgesiniň
gyrasyndaky Aroger galasyndan başlap
(jülgäniň özündäki gala hem degişlidir),
tä Gilgada barýança, biziň üçin ýekeje-de
berk gala ýokdy. Hudaýymyz Reb olaryň
hemmesini biziň elimize berdi. 37 Muňa
garamazdan, Hudaýymyz Rebbiň bize
tabşyryşy ýaly, Ýabok derýasynyň bo-
ýunda we daglykdaky galalarda ýaşaýan
ammonlaryň ýerine çozup girmedik».

## 3-nji bap

1 «Soňra biz Başan ýurduna tarap ýo-
lumyzy dowam etdirdik. Başan hany Og
söweşmek üçin, Edreýde ähli urşujylary
bilen biziň garşymyza çykdy. 2 Reb maňa:
„Men Ogy, onuň ähli halkyny we ýurduny
seniň eliňe berdim. Ondan gorkma. Heş-
bonda hanlyk süren amor hany Sihony ýok
edişiň ýaly, Ogy hem ýok et“ diýdi. 3 Şeý-
lelikde, Hudaýymyz Reb Başan hany Ogy
hem-de onuň ähli urşujylaryny biziň eli-
mize berdi. Biz olaryň ýekejesini hem diri
galdyrman, hemmesini gyrdyk. 4 Şol bir
wagtyň özünde biz onuň ähli galalaryny
basyp aldyk. Ol ýerde basyp alynmadyk
ýekeje-de gala galmady. Biz olaryň jemi
altmyş galasyny, Oguň Başandaky han-
lygy bolan tutuş Argop topragyny basyp
aldyk. 5 Bularyň hemmesi berk diwarly,
gulp bilen ýapylýan iki gat derwezeli berk
galalardy. Bulardan başga obalar-da köpdi.
6 Edil Heşbonyň hany Sihony ýok edişi-
miz ýaly, biz olary hem bütinleý ýok etdik.
Ähli galalardaky erkekleri, aýallary we
çagalary bütinleý ýok etdik. 7 Emma ähli
mal-garalary we galalardaky baýlyklary
özümize olja edip aldyk. 8 Şeýdip, biz Ior-
danyň aňyrsynda amorlaryň iki hanynyň
ýurduny basyp aldyk. Arnon jülgesinden
Hermon dagyna çenli 9 (Sidonlylar Her-
mon dagyna Siryon diýýärler, amorlar
bolsa oňa Senir diýýärler), 10 belent tekiz-
likdäki ähli galalary, tutuş Gilgady, Salka
we Edreýe çenli Başandaky Oguň han-
lygynda bolan ähli galalary basyp aldyk.
11 (Rapalardan ýeke-täk diri galan Başan
hany Ogdy. Oguň tabydy gara daşdan
bolup, tirsek ölçegi bilen onuň uzynlygy
dokuz tirsek, ini hem dört tirsekdi. Ony
ammonlaryň Raba galasynda şu günki
gün hem görüp bolýar)».

### *Iordanyň gündogarynda ýer paýlanylýar*

*(Çölde 32:1-42)*

12 «Men şol wagtky basyp alan ýe-
rimizi paýladym. Men ruben we gat

tirelerine Arnon jülgesiniň çetindäki
Arogeriň demirgazygyny, şeýle hem
Gilgat daglygynyň ýarysyny onuň gala-
lary bilen bile berdim. 13 Gündogardaky
manaşa tiresine bolsa Gilgadyň galan
ýarysyny we Oguň hanlygy bolan tutuş
Başany, ýagny tutuş Argop topragyny
berdim. (Tutuş Başan rapalaryň ülkesi
diýip atlandyrylýardy.) 14 Manaşa tiresin-
den Ýaýyr diýen adam geşurlylaryň we
magakatlylaryň araçägine çenli bolan
tutuş Argopy aldy we ol ýerleri Başandan
soň öz adyna görä, Hawotýaýyr [a] diýip
at berdi. (Ol şu güne çenli hem şeýle at-
landyrylýar.) 15 Makyra Gilgady berdim.
16 Emma ruben we gat tirelerine Gilgat
bilen Arnon jülgesiniň aralygyndaky
ýerleri berdim. Jülgäniň ortasy olaryň
günorta araçägi bolup, olaryň demirga-
zyk araçägi bolsa ammonlaryň araçägi
bolan Ýabok derýasydyr. 17 Günbatar ara-
çäk Iordan derýasy bolup, Kinneretden
Araba deňzine, ýagny Öli deňze çenli
bolan Araba düzlügi we Pisga dagynyň
etekleri oňa degişlidir. 18 Şol wagt men
size şeýle buýruk berdim: „Ine, Huda-
ýyňyz Reb bu ýurdy mülk edinmek üçin
size berdi. Ähli söweşijileriňiz ýarag-
lansynlar-da, ysraýyl doganlaryňyzyň
öňünden ýöresinler. 19 Diňe aýallaryňyz,
çagalaryňyz we mal-garalaryňyz meniň
size beren galalarymda galsynlar. Men
siziň köp mal-garalaryňyzyň bardygyny
bilýärin. 20 Reb doganlaryňyza-da siziň-
ki ýaly parahatçylyk berenden soň we
olar hem Hudaýyňyz Rebbiň Iordanyň
aňyrsyndan özlerine berýän mülk ýerini
eýelänlerinden soň, her biriňiz meniň
size beren mülküme dolanyp gelip bi-
lersiňiz“. 21 Şol wagt men Ýeşuwa hem
tabşyryk berip: „Hudaýyňyz Rebbiň bu
iki hana näme edenini öz gözüňiz bilen
gördüňiz. Reb siziň üstünden geçjek ähli
hanlyklaryňyzy şeýle eder. 22 Olardan
gorkmaň, çünki siz üçin söweşjek Hu-
daýyňyz Rebbiň hut Özüdir“ diýdim».

### *Musa Kengana barmaga rugsat edilmeýär*

23 «Şol wagt men Rebbe ýalbaryp şeýle
diýdim: 24 „Ýa Hökmürowan Reb, Sen Öz
beýikligiňi we gudratyňy guluňa ýaňy
görkezip başladyň. Ýerde we gökde haýsy
hudaý Seniňki ýaly işleri we gudratlary
amala aşyryp biler! 25 Maňa Iordanyň
aňyrsyna geçip, gowy ýurdy, ýagny
daglygy we Liwany görmäge rugsat et“.
26 Emma Rebbiň siz sebäpli maňa gahary
gelip, Ol maňa gulak asmady. Reb maňa:
„Besdir indi! Gaýdyp Maňa bu hakda
aýtma! 27 Pisga dagynyň depesine çyk-
da, günbatara, demirgazyga, günorta we
gündogara seret. Gowuja seretgin, çünki
sen Iordandan aňry geçmersiň. 28 Emma
Ýeşuwa tabşyr, ony ruhlandyr we güýç-
lendir, sebäbi halka baş bolup, Iordandan
geçjek we seniň görjek şol ýurduňy olara
mülk edip paýlap berjek Ýeşuwadyr“ diý-
di. 29 Şeýdip, biz Beýtpegor galasynyň
garşysyndaky jülgede saklandyk».

## 4-nji bap

### *Musa ysraýyllara boýun egmegi buýurýar*

1 «Eý, ysraýyl halky, indi meniň size
öwredýän parzlaryma we düzgünlerime
gulak goýuň. Şonda siz ata-babalary-
ňyzyň Hudaýy Rebbiň özüňize berýän
ýurduna gidip, ony mülk edinersiňiz. 2 Siz
meniň buýruklarymyň üstüne hiç zat goş-
maly-da däl, ondan hiç zat aýyrmaly-da

---

[a] **3:14** ***Hawotýaýyr*** – bu söz *Ýaýyryň obalary* diýmegi aňladýar.

dälsiňiz. Ýöne Hudaýyňyz Rebbiň meniň
üstüm bilen berýän buýruklaryny ýeri-
ne ýetiriň. 3 Rebbiň Bagalpegorda näme
edenini, ýagny Hudaýyňyz Rebbiň Bagal-
pegor butunyň yzyna eýerenleriň ählisini
araňyzdan nähili ýok edenini öz gözüňiz
bilen gördüňiz. 4 Hudaýyňyz Rebbe wepa-
ly bolanlaryňyzyň hemmesi bu gün diri.
5 Ine, edil Hudaýym Rebbiň maňa tabşy-
ryşy ýaly, siziň mülk edinmäge barýan
ýurduňyzda berjaý etmegiňiz üçin men
size bu parzlary we hökümleri öwretdim.
6 Olary yhlas bilen berjaý ediň, çünki bu
beýleki halklara akyl-paýhaslydygyňyzy
we juda düşünjelidigiňizi görkezer. Bu
parzlary eşidenler: „Dogrudan hem, bu
millet akylly we düşünjeli eken!“ diýer-
ler. 7 Haçan çagyrsak, Hudaýymyz Reb
ýanymyzda. Şeýle Hudaýly beýik millet
nirede bar? 8 Häzir meniň size öwredýän
bu tutuş Kanunym ýaly adalatly parz-
larydyr hökümleri bolan başga beýik
millet barmyka? 9 Ýöne habardar boluň,
özüňizi goraň. Şeýdip, ömürboýy gözü-
ňiz bilen gören zatlaryňyzy ýadyňyzdan
çykarmaň, unutmaň. Olary çagalaryňy-
za, çagalaryňyzyň çagalaryna-da aýdyp
beriň. 10 Siz Horepde Hudaýyňyz Rebbiň
huzurynda duranyňyzda, Reb maňa şeýle
diýdi: „Halkyňy Meniň huzuryma üýşür.
Men olara Öz sözlerimi eşitdirjek, şonda
olar bütin ömrüne Menden gorkmagy
öwrenerler we çagalaryna hem öwreder-
ler“. 11 Siz ýakyn gelip, dagyň eteginde
durduňyz. Dagyň alawlap ýanýan ody
al-asmana galdy we dagy goýy tüsse
bilen gara bulut gaplady. 12 Reb oduň
içinden size seslendi. Siz Onuň sözlerini
eşitdiňiz, emma Onuň Özüni görmediňiz,
diňe sesini eşitdiňiz. 13 Reb size Ähtini
mälim edip, ony berjaý etmegiňizi tab-
şyrdy. Bu – on tabşyrykdy we Ol ony iki
sany ýasy daşyň ýüzüne ýazdy.

14 Şol wagt siziň Iordan derýasyndan
geçip mülk edinjek ýurduňyzda berjaý
etmegiňiz üçin size şu parzlary we hö-
kümleri öwretmegi Reb maňa tabşyrdy.
15 Reb Horepde ot içinden size seslenende,
siz Onuň Özüni görmediňiz. Habardar
boluň we özüňizi goraň. 16-18 Özüňiz
üçin but ýasap, azgynçylyga baş urmaň.
Erkek ýa aýal şekilinde, ýerdäki haý-
wan, howada uçýan ganatly guş, ýerde
süýrenýän süýreniji şekilinde, ýerden
aşakdaky suwlarda ýaşaýan balyk şe-
kilinde özüňize hiç hili but ýasamaň.
19 Gözleriňizi asmana dikip, Güni, Aýy,
ýyldyzlary – ähli asman jisimlerini
göreniňizde, aldawa düşmäň we olara
sygynyp gulluk etmäň. Çünki Hudaýy-
ňyz Reb sygynmak üçin olary asmanyň
astyndaky başga halklara berdi. 20 Emma
Reb sizi demir ojagy bolan Müsürden
çykaryp getirip, görüp durşuňyz ýaly,
sizi Özüniň saýlan aýratyn halky etdi.

21 Rebbiň siz sebäpli maňa gahary gel-
di. Ol meniň Iordandan geçmejekdigime
ant içdi. Hudaýyňyz Rebbiň size mülk
berýän gowy ýurduna men girmeli däl.
22 Çünki men Iordandan aňry geçmän,
şu ýerde ölerin, emma siz ol gowy ýurdy
mülk edinmek üçin Iordandan geçersiňiz.
23 Gaty seresap boluň. Hudaýyňyz Rebbiň
siziň bilen eden ähtini ýatdan çykarmaň.
Şeýle hem, Hudaýyňyz Rebbiň gadagan
eden zatlarynyň hiç biriniň şekilinden
but ýasanmaň. 24 Çünki Hudaýyňyz Reb
ýakyp-ýandyryjy bir otdur, Ol gabanjaň
Hudaýdyr. 25 Siziň çagalaryňyz we çaga-
laryňyzyň çagalary doglup, bu ýurtda
uzak ýaşasaňyz, her hili zadyň şekilinde
but ýasap azmaň. Bu Hudaýyňyz Rebbiň
nazarynda pis işdir, bu Onuň gaharyny
getirýändir. 26 Şeýle edäýseňiz, bu gün ýer
we gök size garşy şaýatdyr. Iordandan ge-
çip eýelän ýurduňyzda basym tutuşlaýyn

heläk bolarsyňyz, siz ol ýerde uzak ýa-
şaman, gaýtam, bütinleý ýok edilersiňiz.
27 Reb sizi başga halklaryň arasyna dar-
gadyp goýberer. Rebbiň ýol görkezjek
milletleriniň arasynda galjaklaryňyzyň
sany gaty az bolar. 28 Ol ýerde siz adamlar
tarapyndan ýasalan hudaýlara, agaçdan
we daşdan ýasalan, ne görýän, ne eşidýän,
ne iýýän, ne-de ys alýan başga hudaýlara
gulluk edersiňiz. 29 Olaryň içinden siz
Hudaýyňyz Rebbi agtararsyňyz. Tutuş
ýüregiňiz we janyňyz-teniňiz bilen göz-
leseňiz, siz Ony taparsyňyz. 30 Ahyrky
günlerde, bu zatlaryň ählisi başyňyzdan
inende, betbagtçylyga uçranyňyzda, siz
Hudaýyňyz Rebbe dolanyp, Oňa gulak
asarsyňyz. 31 Çünki Hudaýyňyz Reb re-
himli Hudaýdyr. Ol sizi taşlap gitmez
ýa-da ýok etmez. Ol ata-babalaryňyza
wada eden ähtini unutmaz.

32 Dogulmazyňyzdan öňki geçen asyr-
lardan bäri, Hudaý tarapyn ýer ýüzünde
adamzadyň ýaradylanyndan tä şu güne
çenli geçen zamandan soraň. Gögüň bu
ujundan ol ujuna çenli sorap çykyň, heý,
şunuň ýaly beýik waka öň boldumyka? Ýa
şunuň ýaly waka hakynda eşidipmidiňiz?
33 Siziň ýaly oduň içinden seslenen Huda-
ýyň sesini eşidip, diri galan halk başga-da
barmyka? 34 Hudaýyňyz Rebbiň Müsürde
gözüňiziň alnynda siziň üçin eden işleri
ýaly iş edip, başga haýsy hudaý özi üçin
bir halky bela-beterler, alamatlar, mugjy-
za, uruş, güýç-gudrat, äpet elhençlikler
bilen başga halkyň arasyndan alyp çyk-
dy? 35 Bular size Rebbiň Hudaýdygyny,
Ondan başga hiç bir Hudaýyň ýokdugyny
bilmegiňiz üçin görkezildi. 36 Ol sizi ter-
biýelemek üçin, asmandan size Öz sesini
eşitdirdi. Ýerde Ol size beýik ot görkezdi.
Siz oduň içinden Onuň sesini eşitdiňiz.
37 Ol ata-babalaryňyzy söýýändigi sebäp-
li, olaryň özlerinden soňky nesillerini
saýlady. Ol sizi hut Özüniň beýik güýji
bilen Müsürden alyp çykdy. 38 Özüňizden
uly we güýçli halklary öňüňizden kowup
çykardy we görşüňiz ýaly, olaryň ýerini
size mülk bermek üçin sizi şu ýere getirdi.
39 Indi bilip goýuň we ýadyňyzda saklaň,
çünki ýokarda – gökde, aşakda – ýerde
Reb Beýik Hudaýdyr. Ondan başga hiç
Hudaý ýokdur. 40 Siziň we sizden soňky
nesilleriňiziň gowy günler görmekleri
üçin, bu gün meniň üstüm bilen Onuň si-
ze berýän parzlaryny we tabşyryklaryny
berjaý ediň. Şonda Hudaýyňyz Rebbiň
size ebedilik berýän ýerinde uzak wagtlap
ýaşarsyňyz».

### *Gaçybatalga galalary*

41 Soňra Musa Iordanyň gündogaryn-
dan üç galany belledi. 42 Aralarynda
öň hiç hili duşmançylygy bolmadyk
bir adamy tötänden öldüren ganhor bu
galalaryň birine gaçyp baryp, başyny
gutaryp biler. 43 Musa şu galalary: ru-
ben tiresinden tekiz çölde Beseri, gat
tiresinden Gilgatda Ramody we manaşa
tiresinden Başanda Golany belledi.

### *Musa Kanuny wagyz etmäge başlaýar*

44 Musanyň ysraýyllaryň öňünde goýan
Kanuny şudur. 45 Ine, Müsürden çykanla-
ryndan soň Musanyň ysraýyllara aýdan
düzgünleri, parzlary we hökümleri. 46 Ol
bulary Iordanyň gündogarynda, Beýt-
pegoryň garşysyndaky jülgede, ýagny
Heşbonda höküm süren amorlaryň hany
Sihonyň ýurdunda aýtdy. Musa bilen
ysraýyllar Müsürden çykanlaryndan
soň amorlary derbi-dagyn etdiler. 47 Olar
Sihonyň ýurduny we Başan hany Oguň
ýurduny, ýagny Iordanyň gündogaryn-
daky bu iki amor hanynyň ýurduny
özlerine mülk edip aldylar. 48 Bu ýer

Arnon jülgesiniň çetindäki Arogerden
Sirýon dagyna (bu Hermon dagy) çenli
uzalyp gidýär. 49 Şeýle hem, muňa tu-
tuş Araba düzlüginiň gündogaryndaky
Araba deňzine çenli bolan ýer we Pisga
dagynyň etekleri hem degişlidir.

## 5-nji bap

1 Musa ähli ysraýyllary bir ýere jemläp,
olara şeýle diýdi: «Eý, ysraýyl halky, bu
günki meniň size ýetirýän parzlaryma
we hökümlerime gulak goýuň. Olary
öwrenip, yhlas bilen berjaý etmelisiňiz.
2 Hudaýymyz Reb Horepde biziň bilen
äht baglaşdy. 3 Reb bu ähti ata-babala-
rymyz bilen baglaşmady, Ol ähti biziň
bilen, bu günki gün, bu ýerde diri ga-
lanlarymyzyň hemmesi bilen baglaşdy.
4 Reb dagda ot içinden siziň bilen ýüzbe-
ýüz durup gepleşdi. 5 (Şol wagt Rebbiň
sözlerini size ýetirmek üçin, Reb bilen
siziň araňyzda men durdum, çünki siz
otdan gorkup, daga çykmadyňyz)».

### *On tabşyryk*
*(Müsürden çykyş 20)*

«Reb şu on tabşyrygy berdi:
6 „Seniň gul bolup ýaşan ýurduň
Müsürden alyp çykan Hudaýyň Reb
Mendirin. 7 Seniň Menden başga hu-
daýlaryň bolmasyn.
8 Özüň üçin ýokarda – gökde, aşakda –
ýerde ýa-da ýer asty suwlarda ýaşaýan
zatlaryň hiç birine meňzeş şekilde but
ýasama. 9 Sen olara tagzym etme ýa-da
olara gulluk etme, çünki Men Huda-
ýyň Reb – gabanjaň Hudaýdyryn. Meni
ýigrenýän atalaryň etmişiniň jezasyny
olaryň çagalarynyň üçünji we dördünji
arkasyna çekdirerin. 10 Emma kim Me-
ni söýüp, buýruklarymy ýerine ýetirse,
onuň müňlerçe nesline sadyk söýgimi
görkezerin.
11 Hudaýyň Rebbiň adyny boş ýere
agzama, çünki Reb Öz adyny boş ýere
agzan adamy jezasyz goýmaz.
12 Hudaýyň Rebbiň buýruşy ýaly, mu-
kaddes Sabat gününiň kanunlaryny
ýerine ýetir. 13 Alty günde ähli işleriňi
edersiň. 14 Emma ýedinji gün Hudaýyň
Rebbe bagyşlanan dynç günüdir. Bu gün
seniň özüňem hiç iş etme, ogul-gyzyň,
gul-gyrnagyň, öküziň ýa-da eşegiň, tutuş
mal-garaň, galaňyzda ýaşaýan gelmişek –
hijisi bir iş hem etmesin. Şonda siziň
gul-gyrnagyňyz hem özüňiz ýaly dynç
alyp biler. 15 Müsür ýurdunda özüňiň hem
gul bolandygyňy ýadyňa sal. Hudaýyň
Reb Özüniň güýç-gudraty bilen seni
ol ýerden çykaryp getirdi. Şonuň üçin
hem Hudaýyň Reb saňa Sabat gününiň
kanunlaryny ýerine ýetirmegiňi buýurdy.
16 Hudaýyň Rebbiň buýruşy ýaly,
ata-eneňe hormat goý, şonda Hudaýyň
Rebbiň saňa berjek ýerinde ömrüň uzak
bolup, gowy günler görersiň.
17 Adam öldürme.
18 Zyna etme.
19 Ogurlyk etme.
20 Biriniň garşysyna galp şaýatlyk etme.
21 Başga kişiniň aýalyna göz dikme.
Başga biriniň öýüne, ýerine, gul-gyr-
nagyna ýa öküzine, eşegine, oňa degişli
zatlaryň hiç birine göz dikme“.
22 Reb bu sözleri dagda ot içinden, bu-
ludyň we tüm garaňkylygyň içinden gaty
ses bilen tutuş jemagata aýtdy. Başga
hiç zat goşmady. Ol bu sözleri iki sany
ýasy daşyň ýüzüne ýazyp, maňa berdi».

### *Halk gorkýar*

23 «Dag lowlap ýanýarka, Rebbiň
garaňkylygyň içinden gelýän sesini
eşideniňizde, ähli tirebaşylaryňyzdyr
ýaşulularyňyz ýanyma gelip, 24 maňa şeýle
diýdiňiz: „Ine, Hudaýymyz Reb bize Öz

şöhratyny we beýikligini görkezdi. Biz
Onuň ot içinden çykýan sesini eşitdik.
Bu gün biz Hudaý ynsan bilen gepleşse-
de, ynsanyň diri galyp biljek ekendigini
gördük. 25 Näme üçin biz bu gün ölmeli?
Çünki bu beýik ot bizi ýandyrar. Emma
Hudaýymyz Rebbiň sesini mundan artyk
eşitsek biz öleris. 26 Çünki ot içinden gep-
leýän diri Hudaýyň sesini eşidip, adamzat
arasynda biz ýaly ölmän galan barmy?
27 Seniň özüň golaý bar-da, Hudaýymyz
Rebbiň aýtjak zatlarynyň hemmesini
diňle. Soňra Hudaýymyz Rebbiň aýdan-
larynyň hemmesini bize ýetir. Biz saňa
gulak asarys we berjaý ederis“. 28 Meniň
bilen gepleşen wagtyňyz, Reb siziň maňa
aýdan sözleriňizi eşidip, maňa şeýle diýdi:
„Men bu halkyň saňa aýdanlaryny eşitdim.
Olaryň hemmesi dogry. 29 Käşgä olar diňe
şu pikirde bolup, Menden gorkup, ähli
buýruklarymy hemişe saklasadylar, onda
olar we olaryň çagalary hemişe eşretde
ýaşardylar! 30 Bar, git-de olara: ‘Çadyr-
laryňyza dolanyň!’ diý. 31 Emma sen bu
ýerde Meniň ýanymda gal. Ähli tabşyrygy,
parzlarymdyr hökümleri olara öwrede-
riň ýaly, Men olary saňa aýdaryn. Goý,
olar bulary mülk edip berjek ýurdumda
berjaý etsinler“». 32 Musa halka: «Şonuň
üçin hem indi siz Hudaýyňyz Rebbiň
buýruşy ýaly ýerine ýetirmekde gaty
seresap bolmalysyňyz. Olardan saga-da,
çepe-de gyşarmaň. 33 Diňe Hudaýyňyz
Rebbiň görkezen ýolundan ýöräň. Şonda
siz diri galyp, gowy günler görersiňiz we
mülk edinjek ýurduňyzda uzak wagtlap
ýaşarsyňyz» diýdi.

## 6-njy bap

### *Iň wajyp tabşyryk*

1 «Hudaýyňyz Rebbiň size öwret di-
ýip maňa tabşyran ähli tabşyryklary,
parzlarydyr hökümleri – ine, şulardyr.
Siz bulary Iordandan geçip, mülk edinjek
ýurduňyzda ýerine ýetirmelisiňiz. 2 Ça-
galaryňyz, çagalaryňyzyň çagalary bilen
bile Hudaýyňyz Rebden gorkup, Onuň
size meniň üstüm bilen berýän ähli buý-
ruklarydyr parzlaryny ömürboýy berjaý
ediň. Şonda ömrüňiz uzak bolar. 3 Şonuň
üçin hem, eý, ysraýyl halky, gulak goý.
Olary yhlas bilen ýerine ýetiriň, şonda
gowy günler görersiňiz we ata-babala-
ryňyzyň Hudaýy Rebbiň size söz berşi
ýaly, süýt we bal akýan ýurdunda has
köpelip ýaýrarsyňyz.

4 Eý, ysraýyl halky, gulak goý. Hudaýy-
myz Reb ýeke-täk Rebdir. 5 Hudaýyňyz
Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli güýjüňiz
bilen jan-tenden söýüň. 6 Meniň bu gün-
ki buýurýan şu sözlerimi ýüregiňizde
saklaň. 7 Bulary çagalaryňa hem öwret,
öýde-de, ýolda-da, ýatanyňda-turanyň-
da-da şular hakda söz sözlegin. 8 Olary
bellik hökmünde eliňe dak, maňlaýyňa
nyşan edip belle. 9 Olary jaýyňyň gapy-
larynyň söýelerine we derwezelerine
ýazyp goý».

### *Boýun egmezlige garşy duýduryş*

10 «Hudaýyňyz Reb sizi ata-babalary-
ňyz Ybraýyma, Yshaga, Ýakuba wada
eden ýurduna eltjek. Ol ýurt öz gur-
madyk uly we owadan galalaryňyzdan,
11 öz gazanmadyk harytlaryňyzdan doly
öýlerden, öz gazmadyk guýularyňyzdan,
öz oturtmadyk üzüm we zeýtun bagla-
ryňyzdan ybaratdyr. Siz olardan iýip
doýanyňyzda, 12 gaty seresap boluň! Gul
bolup ýaşan ýurduňyz Müsürden çyka-
ryp getireniň Rebdigini ýatdan çykarmaň.
13 Hudaýyňyz Rebden gorkuň, diňe Oňa
gulluk ediň we Onuň adyndan ant içiň.
14 Başga hudaýlaryň, daş-töweregiňiz-
däki halklaryň hudaýlarynyň hiç biriniň

yzyna düşmäň. 15Çünki araňyzdaky
Hudaýyňyz Reb gabanjaň Hudaýdyr.
Hudaýyňyz Rebbiň gazaby size garşy
tutaşsa, Ol sizi ýer ýüzünden ýok edip
taşlar. 16Masada edişiňiz ýaly, Huda-
ýyňyz Rebbi synamaň[a]. 17Hudaýyňyz
Rebbiň özüňize buýran tabşyryklaryny,
düzgünleridir parzlaryny yhlas bilen ýe-
rine ýetiriň. 18Rebbiň nazarynda dogry
we gowy işler ediň, şonda gowy günler
görersiňiz. Rebbiň ata-babalaryňyza
wada eden ýurduna baryp, ony özüňize
mülk edinersiňiz. 19Rebbiň söz berşi ýaly,
öňüňizden ähli duşmanlaryňyzy Onuň
Özi kowup çykarar. 20Wagt gelip, çaga-
laryňyz sizden: „Hudaýymyz Rebbiň size
buýran bu düzgünleriniň, parzlarynyň
we hökümleriniň näme manysy bar?“
diýip sorasalar, 21siz olara şeýle jogap be-
riň: „Biz Müsürde faraonyň gullarydyk,
emma Reb Öz gudratly goly bilen bizi
Müsürden çykaryp getirdi. 22Reb Müsüre,
faraona we onuň tutuş hojalygyna garşy
gözümiziň alnynda beýik we gorkunç
alamatlardyr mugjyzalar görkezdi. 23Ol
ata-babalarymyza wada eden ýurduny
bize bermek üçin Müsürden çykaryp
getirdi. 24Soňra Hudaýymyz Reb biziň
Ondan gorkup, bu parzlaryň hemmesini
ýerine ýetirmegimizi buýurdy. Şonda bu
günki ýaly, janymyz sag bolup, görjegi-
miz gowulyk bolar. 25Hudaýymyz Rebbiň
bize buýruşy ýaly, Onuň huzurynda bu
buýruklaryň ählisini yhlas bilen ýerine
ýetirsek, biz dogry saýylarys“».

## 7-nji bap

### *Rebbiň ýörite saýlan halky*

1«Hudaýyňyz Reb sizi mülk edin-
jek ýeriňize getirende, Ol sizden has
güýçli we köp sanly halklary öňüňizden
kowup çykarar. Olar hetler, girgaşlar,
amorlar, kenganlar, perizler, hiwiler
hem-de ýabuslar jemi ýedi milletdir.
2Hudaýyňyz Reb olary siziň eliňize
berende, siz olary dargadyp, bütinleý
ýok edip taşlamalysyňyz. Olar bilen äht
baglaşmaň we olara rehimdarlyk etmäň.
3Olar bilen garyndaşlyk açmaň. Olar
bilen gyz alşyp-berişmäň. 4Çünki olar
çagalaryňyzy başga hudaýlara gulluk
etdirdip, Rebbiň yzyna eýermekden ýüz
öwürderler. Şonda Rebbiň gahary size
garşy tutaşyp, Ol sizi derrew ýok edip
taşlar. 5Emma siz olar bilen şeýle ediň:
olaryň gurbanlyk sypalaryny ýumrup
taşlaň, dikme daşlaryny döwüp, Aşera
butlaryny ýykyň we beýleki butlaryny
hem oda ýakyň. 6Çünki siz Hudaýyňyz
Reb üçin mukaddes halksyňyz. Huda-
ýyňyz Reb Özüniň gymmatly halky
bolmagyňyz üçin ýer ýüzündäki ähli
halklaryň arasyndan sizi saýlady.

7Rebbiň sizi ýürekden söýmeginiň we
saýlamagynyň sebäbi, bu siziň beýleki
halklardan san taýdan köp bolmagyňyz
däldir, siz ähli halklaryň arasynda san
taýdan iň azysyňyz. 8Munuň sebäbi Reb
sizi söýdi we ata-babalaryňyza eden
wadasynda durdy. Reb sizi Müsürden
gudratly goly bilen çykaryp, onuň pa-
tyşasy faraonyň elinden – gulçulykdan
azat etdi. 9Şonuň üçin hem Hudaýyňyz
Rebbiň hakyky Hudaýdygyny bilip go-
ýuň. Ol ynamdar Hudaýdyr. Ol Özüni
söýenleriň we buýruklaryny ýerine
ýetirenleriň müňlerçe nesline sadyk
söýgüsini we ähtini saklaýar. 10Emma
Ol Özüni ýigrenýänleriň ýigrençlerini
öz başlaryndan inderip, olary şobada ýok
edýär. 11Şonuň üçin hem meniň bu günki

[a] **6:16** ***Masada… synamaň*** – ýewreýçe *Masa* synag diýmegi aňladýar. Seret: Msr 17:1-7.

size ähli tabşyryklarymy, parzlarymdyr
düzgünlerimi yhlas bilen ýerine ýetiriň».

### *Boýun egmekden gelýän ýalkanma*

12«Şu hökümlere gulak goýup, olary
yhlas bilen ýerine ýetirseňiz, Hudaýyňyz
Reb ata-babalaryňyza wada eden ähti-
ne sadyk galar. 13Reb sizi söýer, ýalkar
we köpelder. Ol ata-babalaryňyza wada
eden ýurdunda siziň örňäp ösmegiňize,
ýeriňizden alynýan önüme, dänäňize,
şerabyňyza we ýagyňyza, şeýle hem,
mal-garalaryňyzyň köpelmegine, sü-
rüleriňiziň sanynyň artmagyna bereket
berer. 14Halklaryň içinde iň ýalkanany
siz bolarsyňyz. Siziň araňyzda nesilsiz
erkek ýa-da önelgesiz aýal, gysyr mal
bolmaz. 15Reb sizi her hili kesellerden
gorar. Müsürde gören ähli aýylganç
keselleriňiz size ýokuşmaz. Olary sizi
ýigrenýänlere ýokuşdyrar. 16Hudaýyňyz
Rebbiň eliňize berjek ähli halklaryny ýok
edip taşlaň, olara rehim etmäň, olaryň
hudaýlaryna sygynmaň, sebäbi bu siziň
üçin duzak bolar.

17Siz öz-özüňize: „Bu halklaryň sany
siziňkiden köp, biz bulary nädip kowup
çykararkak?“ diýip, 18olardan gorkmaň.
Diňe Hudaýyňyz Rebbiň faraony we
tutuş Müsür halkyny näme edendigini
hökman ýadyňyza salyň. 19Öz gözüňiz
bilen gören beýik synaglary, alamat-
lary, mugjyzalary, güýç-gudraty bilen
Hudaýyňyz Reb sizi Müsürden çykaryp
getirdi. Hudaýyňyz Reb siziň gorkýan
halklaryňyzyň hemmesini-de şeýle
eder. 20Mundan başga-da, Hudaýyňyz
Reb diri galanlar we gaçgaklar ýok bol-
ýança, olary howsala salar. 21Olardan
gorkmaň, çünki siziň araňyzdaky Huda-
ýyňyz Reb beýik we haýbatly Hudaýdyr.
22Hudaýyňyz Reb bu halklary siziň öňü-
ňizden ýuwaş-ýuwaşdan kowup çykarar.
Siz olaryň soňuna çalt çykyp bilmersiňiz,
ýogsam siziň garşyňyza ýyrtyjy haýwan-
lar köpeler. 23Emma Hudaýyňyz Reb
olary siziň eliňize berer, olaryň hemmesi
ýok bolýança, olary uly howsala salar.
24Reb olaryň hanlaryny-da siziň eliňize
berer, siz olaryň adyny asmanyň astyn-
dan öçürip taşlaň. Olary ýok edýänçäňiz,
hiç kim siziň öňüňizde durup bilmez.
25Olaryň hudaýlarynyň butlaryny ýakyň.
Özüňize almak üçin olardaky altyna,
kümşe göz gyzdyrmaň, sebäbi bu size
duzak bolar. Çünki bu Hudaýyňyz Reb
üçin nejis zatdyr. 26Munuň ýaly nejis
zady öýüňize getirmäň, ýogsam siziň
özüňiz hem şonuň ýaly bütinleý ýok
edilersiňiz. Ony ýigreniň we ret ediň,
çünki ol bütinleý ýok edilmeli zatdyr».

## 8-nji bap

### *Rebbi unutmazlyk baradaky duýduryşlar*

1«Bu günki meniň berýän bu buý-
ruklarymyň ählisini yhlas bilen ýerine
ýetirmelisiňiz. Şonda siz ýaşarsyňyz,
köpelersiňiz we Rebbiň ata-babalaryňy-
za wada eden ýurduna gidip, ony mülk
edinersiňiz. 2Hudaýyňyz Rebbiň kyrk
ýyllap şu çölden sizi alyp gelen uzak
ýoluny unutmaň. Ol siziň ýüregiňizde
näme bardygyny, Onuň buýruklaryny
ýerine ýetirýändigiňizi ýa-da ýerine ýe-
tirmeýändigiňizi bilmek üçin, sizi Özüne
boýun egdirip synaga saldy. 3Ol sizi Özü-
ne boýun egdirip aç goýdy we siziň hem,
ata-babalaryňyzyň hem görmedik iýmiti
bolan manna[a] bilen sizi naharlady. Ol
muny ynsanyň diňe çörek bilen ýaşaman,

[a] **8:3** Ýewreýçe *manna* we *bu näme?* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir. Seret: Msr 16:15.

eýsem, Rebbiň agzyndan çykýan her
bir sözi bilen hem ýaşap biljekdigine
düşünsin diýip etdi. [4]Bu kyrk ýylyň
içinde siziň geýen geýimleriňiz ýyrtylyp
tozmady, aýaklaryňyz-da gabarmady.
[5]Siz şuny ýüregiňizde saklaň, edil ata
öz ogluny terbiýeleýşi ýaly, Hudaýyňyz
Reb hem sizi terbiýeleýändir. [6]Şonuň
üçin hem Hudaýyňyz Rebbiň ýolundan
ýöräň we Ondan gorkuň, Onuň buýruk-
laryny ýerine ýetiriň. [7]Çünki Hudaýyňyz
Reb sizi gowy ýurda alyp barýar. Ol
ýerde çeşmeler, bulaklar, şeýle hem,
jülgelerden we daglardan akýan ýerasty
suwlary bardyr. [8]Ol ýerde bugdaý, arpa,
üzüm, injir, nar, zeýtun agaçlary we bal
bardyr. [9]Ol ýerde garnyňyz dok bolar,
hiç zada zar bolmarsyňyz. Ol ýurduň
daşlary demirden bolup, daglaryndan
mis gazyp çykararsyňyz. [10]Siz iýip-içip
doýanyňyzdan soň, özüňize gowy ýurt
bereni üçin Hudaýyňyz Rebbe alkyş
aýdarsyňyz.

[11]Şonuň üçin hem siz ägä boluň, Onuň
bu günki meniň üstüm bilen berýän
tabşyryklaryny, hökümleridir parzla-
ryny ýerine ýetirmekden ýüz öwrüp, öz
Hudaýyňyz Rebbi unutmaň. [12]Garnyňyz
doýanda, ýaşamak üçin kaşaň jaýlar
guranyňyzda, [13]mal-garalaryňyzdyr do-
warlaryňyz, altyn-kümşüňiz köpelip,
ähli zatlaryňyza bereket inende, [14]gul
bolup ýaşan ýurduňyz Müsürden çyka-
ryp getiren Hudaýyňyz Rebbi unudyp,
tekepbirlik etmäň. [15]Beýik we elhenç
çöllügiň içi bilen, zäherli ýylanly we
içýanly gurak, tozap ýatan ýerlerden sizi
Ol alyp geçdi. Kert gaýadan siziň üçin
Ol suw çykardy. [16]Sizi Özüne boýun
egdirmek üçin synaga salyp, iň soňunda
size ýagşylyk etmek üçin, çölde ata-
babalaryňyzyň görmedik iýmiti bolan
manna bilen sizi diňe Ol naharlady. [17]Siz
öz-özüňize: „Men öz güýjüm bilen ýa-da
öz golumyň gudraty bilen bu baýlygy
topladym“ diýmäň. [18]Gaýtam, Huda-
ýyňyz Rebbi ýadyňyzda saklaň, çünki
baýlyk toplamaga güýji Ol berýändir.
Şonda Ol şu günki görşüňiz ýaly, ata-
babalaryňyza wada eden ähtini tassyklar.
[19]Eger siz Hudaýyňyz Rebbi ýadyňyzdan
çykaryp, başga hudaýlaryň yzyna düşüp,
olara sygynyp gulluk etseňiz, onda bu
gün men size açyk duýdurýaryn: siz
hökman heläk bolarsyňyz. [20]Reb siziň
öňüňizden halklary ýok edişi ýaly, sizi
hem heläk eder. Çünki siz Hudaýyňyz
Rebbe gulak asmadyňyz.

## 9-njy bap

### *Halkyň Rebbe boýun egmezligi*

[1]Eý, ysraýyl halky, gulak sal: indi siz
Iordan derýasyndan geçip, özüňizden
beýik we güýçli halklaryň ýerlerini
mülk edip alarsyňyz. Olaryň galalary
göge ýetip duran beýik we berk diwarly
galalardyr. [2]Bilşiňiz ýaly, bu güýçli we
uzyn boýly halk Anagyň nesilleridir.
Siz olar hakda: „Anaklaryň garşysyna
kim çykyp biler?“ diýlenini eşidensi-
ňiz. [3]Bu gün muny bilip goýuň: ýakyp
ýok edýän ot kimin Hudaýyňyz Rebbiň
Özi siziň öňüňizden geçer. Rebbiň Özi
olary gyryp, size boýun egdirer. Şonda
Rebbiň söz berşi ýaly, siz olary kowup
çykaryp, derrew ýok edersiňiz. [4]Hu-
daýyňyz Reb olary siziň öňüňizden
kowup çykaranda, siz öz-özüňize: „Reb
dogruçyllygym sebäpli, meni bu ýurda
mülk edinmek üçin getirdi“ diýmäň. Bu
halklaryň erbetligi sebäpli, Reb olary si-
ziň öňüňizden kowup çykarýar. [5]Olaryň
ýurduny eýelemegiňiz, siziň dogruçyl-
dygyňyz ýa-da päk ýüreklidigiňiz üçin
däldir. Bu halklaryň erbetdigi sebäpli,

Hudaýyňyz Reb olary siziň öňüňizden
kowup çykarýar. Şeýle hem, Reb muny
ata-babalaryňyz Ybraýyma, Yshaga,
Ýakuba wadasyny ýerine ýetirmek üçin
edýär. 6 Bilip goýuň: Hudaýyňyz Reb bu
gowy ýurdy size dogruçyllygyňyz üçin
berýän däldir, çünki siz boýnuýogyn
halksyňyz.

7 Hudaýyňyz Rebbiň çölde nähili ga-
haryny getirendigiňizi ýadyňyza salyň
we ony unutmaň. Müsür ýurdundan
çykan günüňizden, tä bu ýere gelen
günüňize çenli siz Rebbe garşy baş
göterdiňiz. 8 Siz hatda Horepde Rebbiň
gaharyny getirdiňiz. Rebbiň size şeýle
bir gahary geldi, hatda Ol sizi ýok edip
taşlamaga-da taýýardy. 9 Men iki ýasy
daş bölegini almaga, ýagny Rebbiň siz
bilen eden äht daşlaryny almaga daga
çykanymda, men kyrk gije-gündizläp
dagda boldum. Ol ýerde men ne çörek
iýdim, ne-de suw içdim. 10 Reb maňa
Öz eli bilen ýazylan iki sany ýasy daş
bölegini berdi. Dagda üýşen günüňiz
Rebbiň oduň içinden aýdan ähli sözleri
şol daşlaryň ýüzüne ýazylandy. 11 Kyrk
gije-gündiz diýlende, Reb maňa iki ýasy
daşy – äht daşlaryny berdi. 12 Soňra Reb
maňa: „Bar, bu ýerden çalt aşak düş,
çünki seniň Müsürden çykaryp getiren
bu halkyň azgynçylyga baş urdy. Olar
Meniň buýran ýolumdan gaty çalt çyk-
dylar. Olar özlerine but ýasadylar“ diýdi.
13 Reb ýene-de maňa: „Men bu halkyň
boýnuýogyndygyny gördüm. 14 Indi Meni
olary ýok etmekden saklama, çünki Men
olary ýok edip, olaryň adyny asmanyň
astyndan öçürip taşlaýyn-da, senden
olara görä has güýçli we has köp sanly
halk döredeýin“ diýdi. 15 Şeýlelikde, men
dagdan düşüp, yzyma gaýtdym. Dag
alawlap ýanýardy. Iki sany ýasy äht daş
bölekleri hem elimdedi. 16 Soňra men
siziň özüňize göläniň şekilinde but ýasap,
dogrudan hem Hudaýyňyz Rebbe garşy
günä edendigiňizi gördüm. Siz Rebbiň
buýran ýolundan gaty çalt çykdyňyz.
17 Şonda men elimde saklap duran iki
ýasy daş bölegini zyňyp goýberdim, olar
siziň gözüňiziň alnynda çym-pytrak bol-
dy. 18 Soňra men öňki ýaly ýüzin düşüp,
kyrk gije-gündizläp Rebbiň huzurynda
boldum. Ne çörek iýdim, ne-de suw iç-
dim. Rebbiň nazarynda pis işleri edip,
Onuň gaharyny getirmek bilen eden
ähli günäleriňiz üçin men şeýle etdim.
19 Çünki Reb gazap atyna atlanyp, sizi
ýok eder öýdüp gorkdum. Emma Reb ol
gezegem meni diňledi. 20 Rebbiň Haruna
hem gaty gahary gelipdi. Ol ony-da ýok
etmäge taýýardy. Emma men şol wagtyň
özünde Harun üçin hem towakga etdim.
21 Soňra men ýasan günäli butuňyz bo-
lan göläni alyp, ony otda eretdim. Ony
ýenjip, kül ýaly owratdym-da, dagdan
akýan çeşmä sepip goýberdim.

22 Tabgerada-da, Masada-da, Kibrotha-
tawada-da Rebbiň gaharyny getirdiňiz.
23 Reb size: „Baryň, Meniň size berýän
ýurdumy eýeläň“ diýip, Kadeşbarneýa-
dan sizi iberende, siz Hudaýyňyz Rebbiň
buýrugyna garşy baş göterdiňiz, Oňa
ne ynandyňyz, ne-de gulak asdyňyz.
24 Meniň sizi tanan günümden bäri, siz
Rebbe garşy çykyp gelýärsiňiz.

25 Reb sizi ýok etmegi ýüregine dü-
wende, men kyrk gije-gündizläp Onuň
öňünde ýüzin düşüp ýatdym. 26 Men
Rebbe ýüzlenip, şeýle dileg etdim: „Eý,
Hökmürowan Reb, Öz saýlan aýratyn
halkyňy ýok etme. Sen olary Öz beýikli-
giň bilen gulçulykdan azat edip, gudratly
goluň bilen Müsürden çykaryp getirdiň.
27 Öz gullaryň Ybraýymy, Yshagy we
Ýakuby ýadyňa sal. Bu halkyň boýnu-
ýogyndygyna, erbetligine we günäsine

üns berme. 28 Ýogsam, Seniň bizi alyp
çykan ýurduňdaky adamlar bize: ‘Reb
olary söz beren ýerine getirip bilmedi.
Reb olary ýigrenýändigi sebäpli, çöl-
de öldürmek üçin Müsürden çykaryp
getiripdir’ diýerler. 29 Emma bu Seniň
beýik gudratyň we güýjüň bilen Müsür-
den çykaryp getiren Öz saýlan aýratyn
halkyň ahyryn“.

## 10-njy bap

### *Reb on tabşyrygy gaýtadan ýasy daşlara ýazýar*

1 Şol wagt Reb maňa: „Ýene-de öňkä
meňzeş edip, iki ýasy daş bölegini we
olary goýar ýaly bir sandyk ýasa. Soň-
ra Meniň ýanyma – daga çyk. 2 Men bu
daşlaryň ýüzüne seniň öňki kül-peýekun
eden daşlaryňyň ýüzündäki sözleri ýaz-
jak. Sen olary sandyga salyp goý“ diýdi.
3 Şeýdip, men akasiýa agajyndan sandyk
ýasadym we öňkä meňzeş, iki sany ýasy
daş bölegini ýasap, daga çykdym. Ol iki
ýasy daş bölegi hem elimdedi. 4 Soňra
Reb dagda üýşen günüňiz ot içinden
size aýdan on tabşyrygyny edil öňkä
meňzeş sözler bilen bu iki daşyň ýüzüne
ýazyp, maňa berdi. 5 Men dagdan aşak
düşdüm we daşlary sandyga saldym.
Rebbiň maňa buýruşy ýaly, daşlar häzir
hem ol ýerde dur.

6 Şondan soň ysraýyllar Beýerot-bene-
ýagakandan gaýdyp, Mosera geldiler. Ol
ýerde Harun öldi we ony şol ýerde jaý-
ladylar. Onuň ýerine onuň ogly Elgazar
ruhany boldy. 7 Ol ýerden olar Gudgoda
geldiler. Gudgodadan bolsa akyp duran
çeşmeli Ýotbata diýen ýere ýöriş etdiler.

8 Şol mahal Reb: „Äht sandygymy
götersinler, huzurymda gurbanlyklar
hödürläp hyzmat etsinler, Meniň adym-
dan pata bersinler“ diýip, lewi tiresini
saýlady. Olar şu güne çenli hem şeýle
edýärler. 9 Şonuň üçin hem Lewi tiresine
öz ysraýyl doganlarynyň arasyndan paý
hem, mülk hem berilmedi. Hudaýyňyz
Rebbiň söz berşi ýaly, olaryň paýy Reb-
biň Özüdir.

10 Edil birinji gezekdäki ýaly, men
dagda kyrk gije-gündizläp galdym. Bu
gezek hem Reb meni diňledi. Reb sizi
ýok etmek pikirinden el çekdi. 11 Reb
maňa: „Tur, bu halka baş bol, ýörişiňizi
dowam ediň. Olar Meniň ata-babalaryna
wada eden ýurduma baryp, ony mülk
edinsinler“ diýdi.

### *Rebbiň edýän talaby*

12 Indi, eý, Ysraýyl, Hudaýyňyz Reb
sizden näme talap edýär? Hudaýyňyz
Reb sizden Özünden gorkmagyňyzy,
diňe Onuň ýolundan ýöräp, Ony söýme-
giňizi, tutuş ýüregiňiz bilen jan-tenden
Hudaýyňyz Rebbe gulluk etmegiňizi
isleýär. 13 Şeýle hem, gowy günler gör-
megiňiz üçin, Rebbiň bu günki meniň
üstüm bilen berýän tabşyryklarydyr
parzlaryny ýerine ýetiriň. 14 Şeýle-de
gök, gökleriň gögi, ýer ýüzi we onuň üs-
tündäki ähli zatlar Hudaýyňyz Rebbiňki
bolsa-da, 15 Reb diňe siziň ata-babala-
ryňyzy ýürekden söýdi we bu günki
görşüňiz ýaly, ähli halklaryň arasyndan
olaryň soňky nesilleri bolan sizi saýlady.
16 Siz özüňizi sünnet etmek bilen birlikde
tutuş ýüregiňizi-de Rebbe bagyş ediň we
mundan buýana boýnuýogynlygyňyzy
goýuň. 17 Çünki siziň Hudaýyňyz Reb
hudaýlaryň Hudaýy, taňrylaryň Taňry-
sydyr. Ol beýik Hudaýdyr, gudratly we
haýbatlydyr. Ol tarapgöýlik etmeýär we
para almaýar. 18 Ol ýetimiň we duluň
hakyny alyp berýär. Gelmişekleri gowy
görüp, olary iýmit we geýim-gejim bi-
len üpjün edýär. 19 Siz hem gelmişekleri

gowy görmelisiňiz, çünki siziň özüňiz
hem Müsürde gelmişek bolupdyňyz.
20 Hudaýyňyz Rebden gorkuň, diňe Oňa
gulluk ediň, Oňa bil baglaň, Onuň ady
bilen ant içiň. 21 Ol siziň şöhratyňyzdyr.
Öz gözüňiz bilen gören äpet we elhenç
alamatlaryny siziň üçin görkezen Hu-
daýyňyz Oldur. 22 Siziň ata-babalaryňyz
Müsüre gidende ýetmiş adamdy. Ine,
häzir bolsa Hudaýyňyz Reb siziň sany-
ňyzy asmandaky ýyldyzlar deý köpeltdi.

## 11-nji bap

### *Söz berlen ýurtdaky ýalkanyşlar*

1 Şonuň üçin hem Hudaýyňyz Rebbi
söýüň, Onuň buýruklaryny, parzlarydyr
hökümlerini we tabşyryklaryny hemi-
şe ýerine ýetiriň. 2 Bu gün şuny ýatda
saklaň, men şuny Hudaýyňyz Rebbiň
terbiýesini görmedik-bilmedik çaga-
laryňyza aýdýaryn: siziň çagalaryňyz
Rebbiň beýikligini, Onuň gudrat-güýjü-
ni, 3 Müsüriň patyşasy faraona hem onuň
tutuş ýurduna görkezen alamatlarydyr
gudratlaryny, 4 Müsür goşuny atlary we
söweş arabalary bilen siziň yzyňyzdan
kowup gaýdanynda, şu gün görşüňiz
ýaly, Gyzyl deňizde olary Rebbiň nähili
gark edenini, 5 bu ýere ýetip gelýänçä-
ňiz, çölde size Rebbiň nämeler edenini,
6 ruben tiresinden Eliýabyň agtyklary
Datan bilen Abyrama Rebbiň näme ede-
nini, ýagny ähli ysraýyllaryň arasynda
ol ikisini, tutuş hojalygy, çadyrlary we
olara degişli ähli janly-jandary bilen bile
ýeriň agzyny açyp, nähili ýuwudanyny
görmediler. 7 Emma siz Rebbiň görke-
zen bu beýik gudratlarynyň ählisini öz
gözüňiz bilen gördüňiz.

8 Bu gün men size Rebbiň ähli buý-
ruklaryny ýetirýärin, siz olary berjaý
ediň. Şonda siz güýçlenersiňiz we Iordan
derýasyndan geçip, eýelemäge barýan
ýurduňyzy mülk edinersiňiz. 9 Rebbiň
ata-babalaryňyza we olaryň nesille-
rine bermegi wada eden süýt we bal
akýan ýurdunda uzak ömür sürersiňiz.
10 Çünki siziň gidip, mülk edinjek ýur-
duňyz Müsür ýurdy ýaly däldir. Siz
Müsürde ýere tohum ekip, gök-bakja
ideg eden ýaly, ony zor aýakdan su-
warardyňyz. 11 Emma siziň gidip mülk
edinjek ýurduňyzda daglar we jülgeler
bardyr. Topragy asmandan ýagýan ýagyş
suwarýar. 12 Ol ýeriň aladasyny edýän
Hudaýyňyz Rebdir. Ýylyň başyndan tä
ahyryna çenli Hudaýyňyz Rebbiň gözi
hemişe ol ýerdedir.

13 Onuň bu günki meniň üstüm bilen
berýän her bir buýrugyna gulak go-
ýup, Hudaýyňyz Rebbi söýüp, tutuş
ýüregiňiz bilen jan-tenden Oňa gulluk
etseňiz, 14 Ol siziň topragyňyza güýz hem
ýaz ýagyşlaryny öz wagtynda ýagdyrar.
Siz dänäňizi, şerabyňyzy we ýagyňyzy
ýygnarsyňyz. 15 Şeýle hem, Ol mal-ga-
ralaryňyz üçin ekin meýdanlaryňyzda
ot gögerder. Siziň garnyňyz dok bolar.
16 Ýöne seresap boluň, aldanyp ýoldan
çykaýmaň, başga hudaýlara sygynyp,
olara gulluk edäýmäň. 17 Ýogsam size
Rebbiň gahary gelip, Ol asmany ýapyp
taşlar. Şonda hiç hili ýagyş ýagmaz we
ýeriňiz hasyl bermez. Rebbiň size berýän
gowy ýurdunda siz tiz heläk bolarsyňyz.

18 Rebbiň bu sözlerini ýüregiňize hem
kalbyňyza siňdiriň. Olary bellik hök-
münde eliňize dakyň, maňlaýyňyza
nyşan edip belläň. 19 Bulary çagalary-
ňyza hem öwrediň, öýde-de, ýolda-da,
ýatanyňyzda-turanyňyzda-da diňe şular
hakda sözläň. 20 Olary jaýyňyzyň gapy-
larynyň söýelerine we derwezelerine
ýazyp goýuň. 21 Şonda Rebbiň ata-baba-
laryňyza bermegi wada eden ýurdunda

siziň çagalaryňyz we özüňiz uzak ömür
sürersiňiz. Asman ýeriň üstünde näçe
dursa, şol ýurtda şonça-da ýaşarsyňyz.
22 Hudaýyňyz Rebbi söýüp, Onuň ýo-
lundan ýöräp, Oňa bil baglap, meniň
size berýän bu buýruklarymyň ählisini
yhlas bilen ýerine ýetirseňiz, 23 Reb bu
halklaryň hemmesini siziň öňüňizden
kowup çykarar. Siz özüňizden güýçli we
köp sanly halklary kowup çykararsyňyz.
24 Aýak basan her bir ýeriňiz siziňki bolar.
Siziň ýeriňiz çöllükden Liwana çenli,
beýik Ýewfrat derýasyndan Günbatar
deňzine çenli uzalar. 25 Garşyňyzda hiç
kim durup bilmez. Özüniň söz berşi ýaly,
Hudaýyňyz Reb siziň aýak basjak ähli
ýeriňize gorky we howsala salar.

### *Alkyşlar we näletler*

26 Seret, bu gün men siziň öňüňizde
alkyş we nälet goýaryn: 27 Hudaýyňyz
Rebbiň bu günki meniň üstüm bilen
berýän buýruklaryna boýun egseňiz, al-
kyş alarsyňyz. 28 Emma özüňize nätanyş
bolan başga hudaýlaryň yzyna eýerip,
Hudaýyňyz Rebbiň bu günki meniň üs-
tüm bilen berýän buýruklaryndan ýüz
öwrüp, olara boýun egmeseňiz, onda siz
näletlenersiňiz. 29 Hudaýyňyz Reb sizi
mülk edinjek ýeriňize getirende, Gerizim
dagynda alkyş aýdarsyňyz, Eýbal dagyn-
da bolsa nälet okarsyňyz. 30 Siziň bilşiňiz
ýaly, bu iki dag Iordanyň we günbatar
ýoluň aňyrsyndadyr. Olar Araba düz-
lüginde ýaşaýan kenganlaryň ýerindäki
Gilgal galasynyň garşysynda, Moreniň
dub agaçlarynyň ýanyndadyr. 31 Siz Ior-
dandan geçip, Hudaýyňyz Rebbiň size
berýän ýerini eýelemäge gideniňizde we
ony eýeläp, ol ýerde ýaşanyňyzda, 32 me-
niň üstüm bilen bu günki siziň öňüňizde
Rebbiň goýan ähli parzlaryny we hököm-
lerini yhlas bilen ýerine ýetirmelisiňiz.

## 12-nji bap

### *Diňe bir ýerde sežde etmek hakynda*

1 Ata-babalaryňyzyň Hudaýy Rebbiň
size eýelemäge beren ýurdunda bütin
ömrüňiziň dowamynda yhlas bilen ber-
jaý etmeli parzlaryňyz we hökümleriňiz
şulardyr: 2 siziň kowup çykarjak millet-
leriňiziň öz hudaýlaryna hyzmat edýän
beýik daglarynyň depesindäki, baýyr-
lyklardaky we gür ýaprakly her bir agajyň
astyndaky ähli ýerlerini ýykyp ýumruň.
3 Olaryň gurbanlyk sypalaryny ýumrup
taşlaň, dikme daşlaryny döwüp, Aşera
butlaryny oda ýakyň. Olaryň hudaýlary-
nyň butlaryny parçalap, olaryň adyny ol
ýerden ýok ediň. 4 Siz Hudaýyňyz Rebbe
bu milletleriň ýoly bilen sežde etmeli
dälsiňiz. 5 Emma Hudaýyňyz Reb ähli ti-
releriň arasynda Özüne ybadat edilmegi
üçin ýer saýlar we siz şol ýeri gözläp ta-
parsyňyz. Siz ol ýere baryň, 6 we özüňiziň
ýakma gurbanlyklaryňyzy, mal sada-
kalaryňyzy, hasylyňyzyň ondan birini,
üwreme sadakalaryňyzy, aýdan sadaka-
laryňyzy, meýletin sadakalaryňyzy we
mal-garalaryňyzdyr dowarlaryňyzyň
ilkinji erkek guzlanlaryny eltiň. 7 Ol ýer-
de siz Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda
öz hojalygyňyz bilen bilelikde iýip-içip,
Hudaýyňyz Rebbiň siziň ähli işleriňize
bereket bereni üçin şatlanyň. 8 Bu gün
biziň bu ýerdäki hereket edişimiz ýaly,
hereket etmeli dälsiňiz. Biziň hemmä-
miz öz islegimize görä hereket edýäris.
9 Çünki siz entek Hudaýyňyz Rebbiň
salamatlyk we mülk berjek ýerine baryp
ýetmediňiz. 10 Iordandan geçip, Huda-
ýyňyz Rebbiň size mülk berjek ýerinde
ýaşanyňyzda, daş-töweregiňizdäki ähli
duşmanlaryňyzdan Reb size parahatçy-
lyk alyp berer we siz howpsuz ýaşarsyňyz.

11 Şonda siz Hudaýyňyz Rebbiň Özü-
ne ybadat etmek üçin saýlajak ýerine
meniň buýran ähli zatlarymy: ýakma
gurbanlyklaryňyzy, mal sadakalaryňy-
zy, hasylyňyzyň ondan birini, üwreme
sadakalaryňyzy, Rebbe göwnüňizden
çykaryp aýdan sadakalaryňyzy getiriň.
12 Siz ogul-gyzlaryňyz, gul-gyrnaklary-
ňyz bilen Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda
şatlanyp baýram ediň. Bu baýramçylyga
araňyzda ýaşaýan lewileri hem çagyryň,
sebäbi olaryň ýer paýy ýa mülki ýokdur.
13 Seresap boluň, ýakma gurbanlyklary-
ňyzy islän ýeriňizde berip ýörmäň. 14 Siz
ony tireleriňiziň içinde diňe Rebbiň saý-
lajak ýerinde beriň. Siz ol ýerde ýakma
gurbanlyklaryňyzy berip, meniň buýur-
ýan ähli zatlarymy ýerine ýetirersiňiz.

15 Muňa garamazdan, Hudaýyňyz
Rebbiň beren berekedine görä, ýaşaýan
ýeriňizde islän wagtyňyz mal öldürip,
etini iýip bilersiňiz. Ol keýik bolsun
ýa-da sugun, parhy ýok, ondan haram
adam hem, tämiz adam hem iýip biler.
16 Emma siz ol maly gany bilen iýmeli
dälsiňiz. Onuň ganyny suw döken ýaly
edip, ýere döküň.

17 Galalaryňyzda hiç biriňiz dänäňiziň,
şerabyňyzyň we ýagyňyzyň ondan birini,
mal-garalaryňyzdyr dowarlaryňyzyň il-
kinji erkek guzlanlaryny, göwnüňizden
çykaryp aýdan sadakalaryňyzy, meýle-
tin we üwreme sadakalaryňyzy iýmeli
dälsiňiz. 18 Bulary Hudaýyňyz Rebbiň
huzurynda, ýagny Onuň saýlajak ýerin-
de ogul-gyzlaryňyz, gul-gyrnaklaryňyz
bilen we galalaryňyzda ýaşaýan lewiler
bilen bile iýiň. Öz eden ähli işleriňiz üçin
Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda şatlanyň.
19 Ol ýerde lewileri äsgermezlik etmekden
ömürboýy ägä boluň.

20 Hudaýyňyz Reb Özüniň söz berşi
ýaly, siziň ýerleriňizi giňeldende, seniň
et iýesiň gelip: „Men et iýjek“ diýseň,
sen islän wagtyň et iýip bilersiň. 21 Hu-
daýyňyz Rebbiň Özüne ybadat etmek
üçin saýlajak ýeri sizden daş bolsa, me-
niň buýruşym ýaly, Rebbiň size beren
mal-garalarydyr dowarlaryndan soýuň.
Siz olary galalaryňyzda islän wagtyňyz
iýip bilersiňiz. 22 Şeýle hem, ol keýik
bolsun ýa-da sugun, parhy ýok, ondan
haram adam hem, tämiz adam hem iýip
biler. 23 Emma gaty seresap boluň, eti
gany bilen iýmeli dälsiňiz, çünki gan
jandyr. Siz gany et bilen iýmeli dälsiňiz.
24 Eti gany bilen iýmäň, onuň ganyny
suw döken ýaly edip, ýere döküň. 25 Eti
gany bilen iýmäň, şonda sizden soňky
çagalaryňyz hem, siziň özüňiz hem go-
wy günler görersiňiz, sebäbi siz Rebbiň
nazarynda dogry işleri edýärsiňiz.

26 Siz bagyş eden zatlaryňyzy we aýdan
sadakalaryňyzy Rebbiň saýlajak ýerine
getiriň. 27 Ýakma gurbanlyklaryňyzyň
ganyny hem, etini hem Hudaýyňyz Reb-
biň gurbanlyk sypasyna getiriň. Başga
berýän gurbanlyklaryňyzyň ganyny hem
Hudaýyňyz Rebbiň gurbanlyk sypasyna
döküň, ýöne olaryň etini iýip bilersiňiz.

28 Meniň size bu günki buýurýan
bu sözlerimiň ählisine gulak goýup,
berjaý ediň, şonda sizden soňky çaga-
laryňyz hem, siziň özüňiz hem gowy
günler görersiňiz. Sebäbi siz Hudaýy-
ňyz Rebbiň nazarynda gowy we dogry
işler edýärsiňiz.

### *Butlara sygynmaklyga garşy duýduryş*

29 Hudaýyňyz Reb siziň eýelejek ýe-
riňizdäki halklary siziň öňüňizden ýok
edende we olary kowup çykaryp, ýerine
özüňiz ornaşanyňyzda 30 ägä boluň. Olar
siziň öňüňizden ýok edilenden soň hem,
olaryň bolşy ýaly duzaga düşäýmäň. „Bu

halklar hudaýlaryna nädip sežde edýär-
ler? Biz hem şeýle ederis“ diýip, olaryň
hudaýlaryna degişli soraglar bermäň.
31 Siz Hudaýyňyz Rebbe munuň ýaly
sežde etmäň, sebäbi olar öz hudaýlaryna
Rebbiň ýigrenýän nejis işleriniň ählisi-
ni edýärler. Olar hatda hudaýlaryna öz
ogullarydyr gyzlaryny oda ýakýarlar.
32 Meniň buýranlarymyň ählisini yhlas
bilen ýerine ýetirmelisiňiz. Olaryň üs-
tüne hiç zat goşmaň hem, olardan hiç
zat aýyrmaň hem.

## 13-nji bap

1 Eger araňyzdan pygamberler ýa-da
düýş ýorujylar peýda bolup, alamat
ýa-da mugjyza görkezseler, 2 ol alamat
ýa-da mugjyza ýerine düşse we olar
size: „Geliň, keseki hudaýlaryň yzyna
eýereliň, olara sygynyp gulluk edeliň“
diýseler, 3 siz ol pygamberleriň ýa-da
düýş ýorujylaryň gepine gulak asmaň.
Çünki Hudaýyňyz Reb, hakykatdan hem,
Özüni tutuş ýüregiňiz bilen jan-tenden
söýýändigiňizi ýa-da söýmeýändigiňizi
bilmek üçin sizi synap görýär. 4 Hudaýy-
ňyz Rebbiň yzyna eýeriň, diňe Ondan
gorkuň, Onuň buýruklaryny ýerine ýe-
tiriň, Oňa gulak asyň, gulluk ediň, Oňa
bil baglaň. 5 Sizi Müsürden çykaryp ge-
tiren, gulçulykdan azat eden Hudaýyňyz
Rebbe dönüklik edip sözländigi üçin we
Hudaýyňyz Rebbiň buýran ýolundan
çykandygy üçin, şol pygamberi ýa-da
düýş ýorujyny ölüme höküm ediň. Şeý-
dip, siz öz araňyzdan pisligi aýryp taşlaň.

6-7 Eger kimde-kim, hatda öz erkek
doganyňyz, ejeňiziň ogly ýa-da öz ogul-
gyzyňyz, söýgüli aýalyňyz, iň ýakyn
dostuňyz: „Geliň, gidip, başga hudaýlara
gulluk edeliň“ diýip, ne özüňiziň, ne-de
ata-babalaryňyzyň tanaýan hudaýlaryna,
ýeriň bu ujundan ol ujuna çenli bolan,
daş-töweregiňizdäki size ýakyn ýa-da
uzakda ýerleşýän halklaryň hudaýlaryna
gizlinlikde sizi aldap yrmakçy bolsalar,
8 siz beýle adamlar bilen razylaşmaň,
olara gulak asmaň. Olara geçirimlilik
etmäň ýa-da rehimiňiz inip, olary gora-
maň. 9 Gaýtam, olary hökman öldüriň.
Olary ilki öz eliňiz bilen daşlaň, soňra
bütin halk jezalandyrsyn. 10 Gul bolup
ýaşan ýurduňyz Müsürden çykaryp geti-
ren Hudaýyňyz Rebden ýüz öwürtmäge
synanyşandyklary üçin, olary daşlap
öldüriň. 11 Soňra ähli ysraýyllar muny
eşidip gorkarlar we gaýdyp munuň ýaly
pislik etmezler.

12 Hudaýyňyz Rebbiň size ýaşamaga
berjek galalarynyň birinde araňyzdan
erbet adamlar çykyp, 13 galanyň ýaşaý-
jylaryny tanamaýan hudaýlaryna gulluk
etmäge çagyryp, olary ýoldan çykarmak-
da baş bolandyklaryny eşitseňiz, 14 yzarlap
derňäň we gowy sorag-ideg ediň. Eger
günäkärlenme dogry tapylyp, bu nejis
iş araňyzda edilen bolsa, 15 galanyň ýa-
şaýjylaryny gylyçdan geçiriň. Ondaky
ähli zatlary bütinleý ýok ediň, hatda
mal-garalaryny-da gyryň. 16 Ondan alnan
ähli oljany meýdançada bir ýere ýygnaň.
Soňra galany we ondan alnan ähli oljany
Hudaýyňyz Rebbe başbitin ýakma gur-
banlygy hökmünde oda ýakyň. Ol ýer
hemişelik harabaçylyga öwrülsin, hiç
haçan täzeden gurulmasyn. 17-18 Rebbe
aýry goýlandygy üçin ýakylmaly zatlaryň
hiç biri eliňde bolmasyn. Şonda Reb ga-
har-gazabyndan köşeşip, size rehimdarlyk
eder. Eger siz Hudaýyňyz Rebbiň sözü-
ne gulak asyp, Onuň nazarynda dogry
işleri etseňiz we Onuň bu günki meniň
üstüm bilen berýän ähli buýruklaryny
yhlas bilen ýerine ýetirseňiz, onda Ol
ata-babalaryňyza söz berşi ýaly, Özüniň
rehimdarlygy bilen sizi köpeltjekdir.

### 14-nji bap

1 Siz Hudaýyňyz Rebbiň perzentlerisi-
ňiz. Siz öli üçin bedeniňize ýara salmaň
we maňlaý saçyňyzy gyrkmaň. 2 Çün-
ki siz Hudaýyňyz Reb üçin mukaddes
halksyňyz. Reb Özüniň gymmatly halky
bolmagyňyz üçin, sizi ýer ýüzündäki
ähli halklaryň içinden saýlady.

### *Halal we haram haýwanlar hakynda*
*(Lewiler 11:1-21)*

3 Siz haram hasaplanýan haýwanlaryň
hijisini iýmeli dälsiňiz. 4 Siz, ine, şu
haýwanlaryň etini iýip bilersiňiz: öküz,
goýun, geçi, 5 keýik, sugun, jeren, ýaba-
ny geçi, dag tekesi, saýgak we dag goçy.
6 Toýnagy ýarykly we gäwüş gaýtarýan
her bir haýwanyň etini iýip bilersiňiz.
7 Emma düýäni, towşany, atýalmany
iýmeli dälsiňiz, çünki olar gäwüş gaý-
tarsalar hem, toýnagy ýarykly däldirler,
olar siziň üçin haramdyr. 8 Şeýle hem
doňuz, onuň toýnagy ýarykly bolsa-da,
gäwüş gaýtarmaýar, bu haramdyr. Siz
olaryň etini iýmäň we läşini-de ellemäň.
9 Suwda ýaşaýan ähli jandarlaryň:
ýüzgüçlilerini we teňňelilerini iýip
bilersiňiz. 10 Ýüzgüçsiz we teňňesiz jan-
darlary iýmäň. Olar siziň üçin haramdyr.
11 Halal hasaplanýan ähli guşlary iýip
bilersiňiz. 12 Emma, ine, şu guşlaryň:
bürgüdiň, garaguşuň, derýa bürgüdi-
niň, 13-15 çaýçaňňalagyň, laçynyň ähli
görnüşleriniň, garganyň ähli görnüş-
leriniň, düýeguşuň, hüwiniň, çarlagyň,
gyrgynyň ähli görnüşleriniň etini iýmeli
dälsiňiz; 16-18 baýguşuň, jüptüniň, uly
baýguşuň, ak baýguşuň, gotanyň we
dazzarkeliň, leglegiň, hokgaryň ähli
görnüşleriniň, hüýpüýpigiň we ýargana-
tyň etini iýmeli dälsiňiz. 19 Ähli ganatly
mör-möjekler siziň üçin haramdyr. Olary
iýmeli dälsiňiz. 20 Halal hasaplanýan
her bir ganatly jandary iýip bilersiňiz.
21 Haram ölen haýwanlaryň hiç biriniň
etini iýmäň. Olary galalaryňyzda ýaşa-
ýan gelmişeklere iýmäge beriň, keseki
ýurtlulara satyň. Çünki siz Hudaýyňyz
Reb üçin mukaddes halksyňyz.

Owlagy enesiniň süýdünde bişirmäň.

### *Hasylyň ondan biri hakda*

22 Her ýyl meýdanlaryňyzda ýetişen
hasylyň ondan bir bölegini aýra goýup,
23 dänäňiziň, şerabyňyzyň we ýagyňyzyň
ondan birini, şeýle hem mal-garalary-
ňyzdyr dowarlaryňyzyň ilkinji erkek
guzlanlaryny Hudaýyňyz Rebbiň hu-
zurynda, ýagny Onuň Özüne ybadat
edilmegi üçin saýlajak ýerinde iýersiňiz.
Şonda siz Hudaýyňyz Rebden hemişe
gorkmagy öwrenersiňiz. 24 Emma Huda-
ýyňyz Rebbiň Özüne ybadat etmek üçin
saýlajak ýeri sizden uzak bolup, Hudaýy-
ňyz Rebbiň size bereket beren zatlarynyň
ondan bir paýyny uzak ýoldan getirmeli
bolsaňyz, 25 onda bu zatlary satyp, pula
öwrüň. Puly alyň-da, Hudaýyňyz Rebbiň
saýlajak ýerine gidiň. 26 Puluňyzy islän
zadyňyza sarp ediň: öküz, goýun, şerap
ýa-da çakyr – göwnüňiziň islän zadyny
alyň. Ony Hudaýyňyz Rebbiň huzu-
rynda iýip, tutuş hojalygyňyz bilen bile
şatlanyp, baýram ediň. 27 Galalaryňyzda
ýaşaýan lewileri äsgermezlik etmäň, se-
bäbi olaryň siziňki ýaly ýer paýy ýa-da
mülki ýokdur. 28 Her üçünji ýylyň ahy-
rynda ýeriňizden önýän önümlerden şol
ýyl üçin tutuş ondan birini beriň we olary
galalaryňyzda ýygnap goýuň. 29 Siziňki
ýaly ýer paýy we mülki ýok lewiler, şeýle
hem galalaryňyzda ýaşaýan gelmişekler,
ýetimler we dullar gelip, ondan iýip doý-
sunlar. Şonda Hudaýyňyz Reb siziň etjek
ähli işleriňize bereket berer.

## 15-nji bap

### *Ýedinji ýyl*
*(Lewiler 25:1-7)*

1 Her ýedinji ýylyň ahyrynda özüňizden
alnan karzlary geçiň. 2 Karzlaryňyzy öt-
megiň ýoly şeýledir: her bir ysraýylly öz
ysraýyl doganynyň karzyny geçsin. On-
dan karzyny bermegi talap etmesin, çünki
karz geçmekligi Rebbiň Özi yglan etdi.
3 Keseki ýurtludan karzyňy sorap biler-
siň, emma öz ysraýyllyňyň karzyny geç.
4-5 Diňe Hudaýyňyz Rebbe gulak asyp,
Onuň bu günki meniň üstüm bilen berýän
ähli buýruklaryny yhlas bilen ýerine ýe-
tirseňiz, Hudaýyňyz Reb mülk edip berjek
ýerinde size bereket berer. Siziň araňyzda
mätäç bolmasyn. 6 Hudaýyňyz Reb söz
berşi ýaly, size bereket berende, köp halk-
lara karz berersiňiz, emma özüňiz karz
almarsyňyz. Köp halklaryň üstünden siz
hökümdarlyk sürersiňiz, emma olar siziň
üstüňizden hökümdarlyk sürmezler.

7 Hudaýyňyz Rebbiň size berjek ýerin-
däki galalarda ysraýyl doganyňyzyň biri
mätäçlik çekse, doňýürek bolmaň, zada
mätäç doganyňyz üçin eliňizde baryny
aýamaň. 8 Onuň üçin eliňizi açyň, oňa
näme gerek bolsa ýeterlikçe karz beriň.
9 Seresap boluň, kalbyňyzda erbet pikir
bolmasyn. Siz: „Ýedinji ýyl – karz geçiş
ýyly golaý“ diýip, açgözlük edip, mätäç
ysraýyl doganyňyza hiç zat bermän goý-
maň. Ýogsam, doganyňyz siziň garşyňyza
Rebbe dady-perýat eder we siz ýazykly
bolarsyňyz. 10 Siz karz bereniňizde, eliňiz
hem, göwnüňiz hem açyk bolsun, çünki
Hudaýyňyz Reb şonuň hasabyna siziň
ähli işleriňize we her bir başlan işiňize
bereket berer. 11 Ýer ýüzünde hemişe ýe-
ter-ýetmezler bolar. Şonuň üçin hem, men
size: „Ýerleriňizde ýaşaýan garyplara we
mätäç ysraýyl doganlaryňyza eliňiz giň-
den açyk bolsun“ diýýärin.

### *Ýewreý gullary hakda*
*(Müsürden çykyş 21:1-11)*

12 Eger öz ýewreý, ýagny ysraýyl dogan-
laryňyzdan gul ýa-da gyrnak size satylsa,
olar size alty ýyllap hyzmat eder. Ýedinji
ýyl siz ony azatlyga goýbermelisiňiz.
13 Guluňyzy azatlyga goýbereniňiz-
de, siz ony eli boş goýbermeli dälsiňiz.
14 Sürüleriňizden, harmanyňyzdan we
şerabyňyzdan oňa jomartlyk bilen beriň,
şeýle hem Hudaýyňyz Rebbiň bereket
eçilip, size beren zatlaryndan oňa sow-
gatlar beriň. 15 Müsürde özüňiziň hem gul
bolandygyňyzy we Hudaýyňyz Rebbiň
sizi ol ýerden azat edendigini ýadyňyza
salyň. Şol sebäpli bu gün men size bu
buýrugy berýändirin. 16 Emma gul: „Men
azatlyga çykjak däl, sebäbi men seni we
hojalygyňy söýýärin we gün-güzeranym
hem gowy“ diýse, 17 bir temen alyp, onuň
gulagyny gapa diräp deşiň. Soňra ol siziň
hemişelik guluňyz bolar. Gyrnagyňyzy
hem şeýle ediň. 18 Gullaryňyzy azatlyga
goýbereniňizde gynanmaň, sebäbi olar
alty ýylyň içinde günlükçilik üçin alnan
bahadan iki esse artyk hyzmat etdiler.
Şonda Hudaýyňyz Reb siziň ähli işleri-
ňize bereket berer.

### *Ilkinji doglan erkek mallar*

19 Mal-garalardyr dowarlaryňyzyň il-
kinji guzlan erkegini Hudaýyňyz Reb
üçin aýryp goýuň. Sygryňyzyň ilkinji
gölelän öküzçesine iş etdirmäň, dowa-
ryňyzyň ilkinji guzlan goçuny gyrkmaň.
20 Siz hojalygyňyz bilen bile olary her ýyl
Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda, Onuň
saýlajak ýerinde iýersiňiz. 21 Bu mallaryň
biri şikesli bolsa, ýagny agsak ýa-da kör
bolup, şikesi uly bolsa, ony Hudaýyňyz

Rebbe gurban etmäň. [22]Keýigi ýa-da
suguny iýişleri ýaly, ony ýaşaýan ýeri-
ňizdäki haram adam hem, tämiz adam
hem iýibersin. [23]Ýöne siz maly gany
bilen iýmeli dälsiňiz. Gany suw döken
ýaly edip, ýere döküň.

## 16-njy bap

### *Pesah baýramy*
*(Müsürden çykyş 12:1-20;*
*Lewiler 23:4-8)*

[1]Abyp aýynda Hudaýyňyz Rebbiň
hormatyna Pesah baýramyny beriň.
Çünki Hudaýyňyz Reb sizi Müsürden
Abyp aýynda gije çykaryp getirdi. [2]Reb
Özüne ybadat edilmegi üçin saýlajak
ýerinde dowarlaryňyzdan we mal-ga-
ralaryňyzdan Hudaýyňyz Rebbe Pesah
gurbanlygyny beriň. [3]Gurbanlyk etini
hamyrmaýaly çörek bilen iýmeli däldir.
Ony ýedi günläp petir bilen, ýagny ezýet
çöregi bilen iýiň. Çünki siz Müsürden
howlukmaç çykyp gaýtdyňyz. Şonuň
üçin hem Müsürden çykyp gaýdan günü-
ňizi ömürboýy ýatlarsyňyz. [4]Ýedi günüň
dowamynda ýaşaýan ýeriňizde hiç hili
hamyrmaýa görünmesin. Birinji güni
ikindinara öldüren gurbanlygyňyzyň
etinden ertire galmasyn. [5]Pesah gurban-
lygyny bermäge Hudaýyňyz Rebbiň size
berjek galalarynyň hemmesinde rugsat
berilmeýär. [6]Ony Hudaýyňyz Rebbiň
Özüne ybadat edilmegi üçin saýlajak
ýerinde beriň. Pesah gurbanyny diňe
şol ýerde, Müsürden çykan günüňizdäki
wagtda, agşamara Gün ýaşar wagtlary
beriň. [7]Siz ony Hudaýyňyz Rebbiň saý-
lajak ýerinde bişirip iýiň. Ertesi güni
yzyňyza – çadyrlaryňyza gaýdyberiň.
[8]Alty günläp petir iýiň, ýedinji gün
bolsa Hudaýyňyz Reb üçin mukaddes
ýygnanyşyk ediň, başga hiç iş etmäň.

### *Galla baýramy*

[9]Bugdaý orup başlan ilkinji günü-
ňizden başlap, ýedi hepdäni sanaň.
[10]Soňra Hudaýyňyz Reb üçin Galla
baýramyny belläň. Hudaýyňyz Rebbiň
özüňize beren berekedine görä meýle-
tin sadakaňyzy getiriň. [11]Siziň özüňiz,
ogul-gyzlaryňyz, gul-gyrnaklaryňyz,
galalaryňyzda ýaşaýan lewiler, şeýle
hem araňyzdaky gelmişekler, ýetimler
we dullar Hudaýyňyz Rebbiň huzuryn-
da, ýagny Hudaýyňyz Rebbiň Özüne
ybadat edilmegi üçin saýlajak ýerinde
şatlansynlar. [12]Özüňiziň hem Müsürde
gul bolandygyňyzy ýatlap, şu parzlary
yhlas bilen ýerine ýetiriň.

### *Çatma baýramy*

[13]Däne we üzüm hasylyňyzy ýyg-
nanyňyzdan soň, ýedi günläp Çatma
baýramyny belläň. [14]Bu baýramçylykda
siziň özüňiz, ogul-gyzlaryňyz, gul-gyr-
naklaryňyz, şeýle hem galalaryňyzda
ýaşaýan lewiler, gelmişekler, ýetimler we
dullar – hemmäňiz bile şatlanyň. [15]Rebbiň
saýlajak ýerinde ýedi günläp Hudaýyňyz
Reb üçin şu baýramy belläň. Çünki Huda-
ýyňyz Reb siziň hasylyňyza we başlan her
bir işiňize bereket berer. Şonuň üçin siz bu
baýramda doly şatlanyp bilersiňiz. [16]Ähli
erkekleriňiz ýylda üç gezek: Petir baý-
ramynda, Galla baýramynda we Çatma
baýramynda Hudaýyňyz Rebbiň huzu-
ryna – Onuň Öz saýlajak ýerine gelsinler.
Olaryň hijisi Rebbiň huzuryna eli boş
barmasyn. [17]Her biriňiz Hudaýyňyz Reb-
biň beren berekedine görä sowgatlar eltiň.

### *Adalatlylyk hakynda*

[18]Hudaýyňyz Rebbiň özüňize berjek
galalarynda tireleriňiziň arasyndan ka-
zylar we baştutanlar belläň. Olar halkyň

hal-ýagdaýyny adalatly çözsünler. 19 Ada-
latsyzlyk, tarapgöýlik etmäň, para almaň.
Para danalygyň gözüni kör eder we dog-
rynyň işini ters eder. 20 Adalatyň, diňe
adalatyň gözleginde boluň, şonda siz ýa-
şap, Hudaýyňyz Rebbiň berjek ýurduny
mülk edinersiňiz.

### *Butlara sygynmagyň jezasy*

21 Hudaýyňyz Rebbe guran gurbanlyk
sypaňyzyň ýanynda Aşera buty hökmün-
de agaç dikmäň. 22 Şeýle hem özüňize
dikme daşlary gurmaň, çünki bu zatlar
Hudaýyňyz Rebbiň ýigrenýän zatlarydyr.

## 17-nji bap

1 Hudaýyňyz Rebbe ýetmezli, şikesli
öküzi ýa-da goýny gurban etmäň. Çünki
bu Hudaýyňyz Rebbe nejislikdir. 2-3 Hu-
daýyňyz Rebbiň berjek galalarynda
araňyzdan Onuň nazarynda pis iş edýän
erkek ýa-da aýal tapylyp, ol başga hudaý-
lara gulluk edip, Rebbiň gadagan eden
zatlary bolan Güne, Aýa ýa-da her hili
asman jisimlerine sežde edip, Rebbiň
ähtini bozmagy mümkin. 4 Bu hakda size
habar berilse, siz ony derňäp, gowy so-
rag-ideg ediň. Eger günäkärlenme dogry
tapylyp, şeýle nejis iş Ysraýylda edilen
bolsa, 5 onda siz günä eden erkegi ýa-da
aýaly derwezäniň daşyna getirip, erkek-
digine ýa-da aýaldygyna garamazdan,
ony daşlap öldüriň. 6 Ölüme höküm edi-
len adamy iki ýa-da üç şaýadyň güwäsi
bilen öldüriň. Diňe bir şaýadyň güwäsi
bilen öldürmäň. 7 Ölüme höküm edileni
ilki şaýatlar öz elleri bilen daşlasynlar,
soňra ähli halk daşlap öldürsin. Şeýdip,
siz öz araňyzdan pisligi aýryp taşlaň.

### *Kazylar hakynda*

8 Galalaryňyzda gandar bilen ar alyjy-
nyň arasyndaky gan döküşikli dawalar,
hak-hukugyň üstünde ýa-da uruşda siziň
üçin çözmesi kyn dawalar ýüze çyksa,
Hudaýyňyz Rebbiň saýlajak ýerine ba-
ryň. 9 Ol ýerde siz lewi ruhanylary we
şol döwürde hyzmat edýän kazylar bilen
maslahatlaşyň. Olar size her dawanyň
çözgüdini mälim ederler. 10 Rebbiň saý-
lajak ýerindäki aýdylan çözgüt boýunça
iş tutuň. Olaryň size beren görkezme-
leriniň hemmesini yhlas bilen ýerine
ýetiriň. 11 Olar size näme tabşyrsa, berjaý
ediň, çykarylan höküm boýunça iş tutuň.
Özüňize aýdylan çözgütden saga-da,
çepe-de sowulmaň. 12 Kimde-kim Hu-
daýyňyz Rebbiň Özüne hyzmat etmek
üçin bellän ruhanysyna ýa-da kazysyna
tekepbirlik edip boýun egmese, ol adam
ölüme höküm edilsin. Şeýdip, siz Ysra-
ýyldan pisligi aýryp taşlaň. 13 Bütin halk
muny eşidip gorkar we mundan buýana
hyýanatçylyk etmez.

### *Patyşa saýlamak hakynda*

14 Siz Hudaýyňyz Rebbiň özüňize
berjek ýurduny mülk edinip, ol ýerde
ornaşanyňyzda: „Biz hem daş-töwere-
gimizdäki beýleki halklar ýaly özümize
patyşa saýlalyň“ diýersiňiz. 15 Siz özü-
ňize diňe Hudaýyňyz Rebbiň saýlan
adamyny patyşa edip belläň. Saýlan
patyşaňyz öz ysraýyl doganlaryňyzyň
biri bolsun. Ysraýyl doganyňyzdan bol-
madyk keseki ýurtlyny özüňize patyşa
saýlamaň. 16 Patyşa özi üçin köp at edin-
mesin ýa-da özüne köp at edinmek üçin,
yzyna Müsüre adamlaryny ibermesin.
Çünki Reb size: „Indi siz hiç haçan
yzyňyza dolanmarsyňyz“ diýipdi. 17 Ýü-
reginiň Rebden dönmezligi üçin, patyşa
özüne köp aýal, şeýle hem, köp möçber-
de altyn-kümüş edinmesin. 18 Ol şalyk
tagtynda oturanda, lewi ruhanylarynda
saklanýan Hudaýyň Kanunynyň täze

göçürmesini alsyn. 19Goý, ol bu Kanu-
nyň göçürmesini ýanynda saklasyn we
ony ömrüniň ähli günlerinde okasyn.
Şonda ol öz Hudaýy Rebden gorkup, bu
Kanunyň ähli sözlerini we parzlaryny
yhlas bilen ýerine ýetirer. 20Ol özüni
beýleki ysraýyl doganlaryndan ýokary
saýmasyn we bu buýrukdan saga-da,
çepe-de sowulmasyn. Şonda onuň we
nesilleriniň şalygy Ysraýylda uzak ýyllar
höküm sürer.

## 18-nji bap

### *Lewi ruhanylarynyň paýy*

1Lewi ruhanylary, tutuş lewi tiresi
ysraýyllar bilen birlikde ýer paý ýa-da
mülk almazlar. Olar Rebbiň paýy diýlip
berilýän gurbanlyklardan iýip bilerler.
2Halkyň beýleki tireleriniňki ýaly, ysra-
ýyl doganlarynyň arasynda olaryň mülki
ýokdur. Söz berşi ýaly, Rebbiň Özi olaryň
mülküdir. 3Halk öküzini ýa-da goýnuny
Rebbe gurban etmek üçin getirende, olar-
dan ruhanylara şular degişlidir: malyň
bir öň aýagy, iki äňi we garny. 4Ilkinji
däne hasylyňyzy, ilkinji täze şeraby we
zeýtun ýagyny, şeýle hem, goýnuňyzyň
ilkinji gyrkymyny ruhana bermelisiňiz.
5Çünki Hudaýyňyz Reb Öz adyndan
halka hyzmat etmek üçin, ähli tireleriňi-
ziň içinden Lewini we onuň ogullaryny
hemişelik ruhany edip saýlady. 6Eger
lewi tiresinden biri Ysraýylda öz ýaşaýan
galasyny taşlap, Rebbiň saýlajak ýerine
barsa (ol islän wagty baryp bilýär), 7ol
ýerde Rebbiň huzurynda durup hyzmat
edýän ähli lewi doganlary ýaly, Hudaýy
Rebbiň adyndan hyzmat etsin. 8Öý goş-
laryny satyp alan girdejisine garamazdan,
onuň iýmäge deň paýy bardyr.

### *Nejis adatlara garşy duýduryş*

9Hudaýyňyz Rebbiň özüňize berjek
ýurduna baranyňyzda, ol halklaryň ne-
jis adatlaryny berjaý etmegi öwrenmäň.
10Siziň araňyzda hiç kim ogluny ýa-da
gyzyny oda ýakyp, gurbanlyk bermesin.
Palçylyk etmäň, müneçjim ýa-da bilgiç
bolmaň, jadygöýlik etmäň. 11Şeýle hem,
hiç biriňiz gözbagçylyk edip, arwah-jyn-
lar ýa-da ruhlar bilen maslahatlaşmaň,
ýa-da çözgüdiň jogabyny ölülerden göz-
lemäň. 12Çünki bu işleri edýänler Reb
üçin nejisdir. Ine, şu nejis işleri üçin
Hudaýyňyz Reb olary siziň öňüňizden
kowup çykarýar. 13Hudaýyňyz Rebbiň
öňünde kämil boluň. 14Siziň kowup çy-
karjak bu halklaryňyz müneçjimlere we
palçylara gulak asýarlar. Hudaýyňyz Reb
bolsa, size beýle etmäge rugsat bermeýär.

### *Musa ýaly pygamber*

15Hudaýyňyz Reb siziň üçin öz halky-
ňyzyň arasyndan meniň ýaly pygamber
çykarar. Siz şol pygambere gulak asyň.
16Horep[a] dagynda üýşen günüňiz, siz
Hudaýyňyz Rebden haýyş edip: „Hu-
daýymyz Rebbiň sesini mundan artyk
eşitmäli we bu beýik ody indi görmäli,
ýogsam biz öleris“ diýipdiňiz. 17Reb
maňa: „Olaryň aýdýanlary dogry. 18Men
olar üçin öz halkynyň arasyndan seniň
ýaly pygamber çykararyn. Meniň buýran
zatlarymyň ählisini halka aýdar ýaly,
Men sözlerimi pygamberiň agzyna salyp
bererin. 19Kimde-kim Meniň adymdan
sözleýän pygamberiň sözlerine gulak
asmasa, ol adam bilen Meniň Özüm
hasaplaşaryn. 20Emma başga hudaýlaryň
adyndan sözleýän pygamber ýa-da Me-
niň buýurmadyk zadymy, hyýanatçylyk

---

[a] **18:16** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

edip, Meniň adymdan sözleýän pygam-
ber ölüme höküm ediler“ diýdi. 21 Siz
öz-özüňize: „Biz Rebbiň aýtmadyk sö-
züni nädip bileli?“ diýersiňiz. 22 Eger bir
pygamber Rebbiň adyndan sözlän bolsa,
ol iş hem başa barmasa ýa-da hakykata
öwrülmese, ol söz Rebden däldir. Ony
pygamberiň özi toslap tapandyr, siz ol
pygamberden gorkmaň.

### 19-njy bap

***Gaçybatalga galalary hakda***
*(Çölde 35:6-34; Ýeşuwa 20:1-9)*

1 Hudaýyňyz Reb size berjek ýurdu-
nyň halklaryny ýok edende, siz olary
kowup çykaryp, olaryň galalarynda we
öýlerinde ornaşanyňyzda, 2-3 Hudaýyňyz
Rebbiň mülk edip berjek ýurduny üç
bölege bölüp, her bölekden bir galany
saýlaň. Adam öldüren ganhor olaryň
birine gaçyp baryp gutulyp biler ýaly,
bu galalara barmak üçin ýollar çekiň.
4 Ganhor ol ýere, ine, şeýle ýagdaýda
gaçyp baryp, diri galyp biler: tötänlikde
başga birini öldüren bolsa we ol ikisiniň
arasynda öň hiç hili duşmançylyk ýok
bolsa, ol ýere gaçyp gutulyp biler. 5 Aý-
daly, bir adam beýleki bir adam bilen
tokaýa odun çapmaga gidýär. Olaryň
biri agaç çapyp durka, palta sapyndan
sypyp, ýanyndaka degýär we ol hem
şondan ölýär. Şeýle ýagdaýda ol ganhor
bu galalaryň birine gaçyp gutulyp biler.
6 Eger ýol gaty uzak bolsa, öldürileniň
hossary öç almak üçin ganhoryň yzyn-
dan gazap bilen kowalap ýetip öldürer.
Emma olaryň arasynda öň duşmançyly-
gyň ýokdugy üçin, ol öldürilmeli däldir.
7 Şonuň üçin hem men size: „Özüňize
üç galany saýlaň“ diýip buýruk berdim.
8-10 Hudaýyňyz Rebbi söýüp, hemişe
Onuň ýolundan ýöräp, meniň bu günki
size berýän buýruklarymyň ählisini
yhlas bilen berjaý etseňiz, Hudaýyňyz
Reb ata-babalaryňyza söz berşi ýaly,
ýeriňizi giňelder. Ol ata-babalaryňyza
wada eden ähli ýerini size berer. Şonda
Hudaýyňyz Rebbiň size mülk berjek
ýerinde bigünä adamyň gany dökülmez
ýaly, bigünä ganyň astynda galmazyňyz
ýaly, bu üç galanyň üstüne ýene-de üç
gala goşuň. 11 Emma bir adamyň başga
biri bilen duşmançylygy bolup, bukuda
ýatyp, onuň üstüne çozup, ony öldürse,
soňra-da ol bu galalaryň birine gaçyp
barsa, 12 ganhoryň galasyndaky ýaşulular
adam iberip, günäkäri ol ýerden getirt-
meli. Ony öldürmek üçin öldürileniň
hossarynyň eline beriň. 13 Oňa rehim
etmäň, bigünä gany Ysraýyldan ýuwup
aýryň, şonda siz gowy günler görersiňiz.
14 Hudaýyňyz Rebbiň size mülk edip
berjek ýurdunda goňşyňyz bilen öň-
ki nesilleriňiziň düzen araçäk daşyny
süýşürmäň.

***Şaýatlyk etmek hakynda***

15 Jenaýat ýa-da günä eden adamyň
günäsini boýnuna goýmak üçin, oňa bir
adamyň şaýatlygy ýeterlik däldir. Ol iki
ýa-da üç şaýadyň güwäsi bilen tassyk-
lansyn. 16 Eger bir ýalançy şaýat birine
ýaramaz niýet bilen günä ýüklese, 17 onda
dawagärleriň ikisi hem Rebbiň huzuryna,
şol döwürde hyzmat edýän ruhanylaryň
we kazylaryň huzuryna barsyn. 18 Kazy-
lar gowy edip derňew geçirsinler. Eger
şaýat adam ýalan güwälik berip, başga
biriniň garşysyna ýalan sözleýän bolsa,
19 onda siz şol günäkärlenýäne nähili je-
zany niýetlän bolsaňyz, şol jezany ýalan
güwälik edene beriň. Şeýdip, siz öz ara-
ňyzdan pisligi aýryp taşlaň. 20 Beýlekiler
muny eşidip gorkarlar. Siziň araňyzda
gaýdyp, hiç haçan şunuň ýaly jenaýat

edilmez. 21 Ýalan sözleýän adama rehim
etmäň. Jan ornuna jan, göz ornuna göz,
diş ornuna diş, aýak ornuna aýak almak
bilen oňa jeza beriň.

### 20-nji bap

***Uruşmak hakynda***

1 Duşmanyňyza garşy urşa çyka-
nyňyzda we olaryň atlarynyň, söweş
arabalarynyň we goşunynyň özüňiziň-
kiden agdykdygyny göreniňizde, siz
olardan gorkmaň. Çünki sizi Müsür-
den çykaryp getiren Hudaýyňyz Reb
siziň bilendir. 2 Urşa girişmeziňizden
öň, ruhany gelip, esgerleriň öňünde söz
sözlesin. 3 Ruhany olara şeýle diýsin: „Eý,
ysraýyl halky, gulak goý! Bu gün siz duş-
manlaryňyza garşy söweşe girýärsiňiz.
Olardan gorkup, ýüregiňiz sarsmasyn,
aljyrap, dowla düşmäň. 4 Çünki duş-
manlaryňyzyň garşysyna söweşip, siziň
ýeňiş gazanmagyňyz üçin, Hudaýyňyz
Reb urşa siziň bilen bile gider“. 5 Soňra
baştutanlar esgerlere ýüzlenip, şeýle
diýsinler: „Kim täze jaý gurup, heniz
onda ýaşamadyk bolsa, ol adam yzyna –
öýüne gaýtsyn, ýogsam ol uruşda wepat
bolaýsa, onuň öýünde başga biri ýaşar.
6 Araňyzda üzüm bagyny oturdyp, entek
onuň miwesinden datmadyk adam bar
bolsa, goý, ol öýüne gaýtsyn, ýogsam
ol uruşda wepat bolaýsa, üzümiň ilkin-
ji miwesini başga biri iýip hezil eder.
7 Araňyzda boý gyza adaglanyp, entek
oňa öýlenmedik bar bolsa, goý, ol hem
öýüne gaýtsyn, ýogsam ol uruşda wepat
bolaýsa, ol gyza başga biriniň öýlen-
megi mümkin“. 8 Baştutanlar sözlerini
dowam etdirip: „Araňyzda gorkýany-
ňyz ýa-da towşan ýürekliňiz bar bolsa,
goý, ol hem öýüne gaýtsyn, ýogsam ol
ýoldaşlaryny-da özi ýaly towşan ýürek
eder“ diýsinler. 9 Baştutanlar goşunyň
öňünde söz sözläp bolanlaryndan soň,
olara serkerdeler bellesinler.

10 Duşmanyňyza garşy söweşmek
üçin, gala ýakyn geleniňizde, olara
parahatçylygy teklip ediň. 11 Eger olar
parahatçylygy kabul edip, size boýun
bolsalar, onda ol ýerdäki ähli halk size
mejbury hyzmat etsin. 12 Eger olar para-
hatçylykdan ýüz öwrüp, size garşy uruş
yglan etseler, siz ol galanyň daşyny ga-
baň. 13 Hudaýyňyz Reb ony siziň eliňize
berende, siz olaryň ähli erkeklerini gy-
lyçdan geçiriň. 14 Aýallaryny, çagalaryny,
mal-garalaryny, galada bar bolan ähli
zady özüňize olja edip alyň. Hudaýy-
ňyz Rebbiň duşmanyňyzdan alyp beren
oljasyny hözirini görüň. 15 Bu ýerdäki
halklara degişli bolmadyk, sizden has
uzakda ýerleşýän galalaryň hem hem-
mesini şeýle ediň.

16 Ýöne Hudaýyňyz Rebbiň size mülk
edip berjek bu halklaryň galalarynda
bolsa ýekeje-de janly-jandar diri galmaly
däldir. 17 Hudaýyňyz Rebbiň size buý-
ruşy ýaly hetleri, amorlary, kenganlary,
perizleri, hiwileri we ýabuslary bütinleý
ýok edip taşlamalysyňyz. 18 Şonda olar
öz hudaýlaryna gulluk etmekdäki nejis
işleriniň hiç birini size öwredip bilmez-
ler we siz Hudaýyňyz Rebbe garşy günä
etmersiňiz.

19 Siz uzak wagtlap galanyň daşyny ga-
bap, ony basyp almak üçin urşanyňyzda,
ol ýeriň agaçlaryny çapyp ýok etmäň.
Çünki meýdandaky agaçlar duşman
hasaplanyp, gabawa salynýan däldir.
Siz olaryň miwesinden iýersiňiz. 20 Siz
diňe miwe getirmeýän agaçlary ýok
edip bilersiňiz. Olary çapyp, özüňize
garşy uruşýan halkyň galasy ýykyl-
ýança, şol galanyň garşysyna hüjüm
etmekde ulanyň.

## 21-nji bap

### *Näbelli ganhor tarapyndan öldürilenler hakynda*

[1]Hudaýyňyz Rebbiň size mülk edip
berýän ýurdunda kim tarapyndan öldüri-
lendigi näbelli bir jeset meýdanda tapylsa,
[2]ýaşulularyňyz we kazylaryňyz gidip,
jesediň golaýyndaky galalara çenli bolan
aralygy ölçesinler. [3]Jesediň golaýyndaky
galanyň ýaşululary öň hiç işde ulanylma-
dyk, boýnuna boýuntyryk salynmadyk
bir ýaşar göläni alsynlar. [4]Ýaşulular bu
göläni heniz sürülmedik we ekilmedik
ýere – akar suwuň boýuna getirip, onuň
boýnuny omursynlar. [5]Soňra ruhanylar,
ýagny Lewiniň ogullary gelsinler, çünki
Hudaýyňyz Reb Özüne hyzmat eder ýa-
ly we Öz adyndan halka pata berer ýaly,
olary ruhany edip saýlady. Ähli uruşlary
we dawalary olar çözýärler. [6]Jesediň iň
golaýyndaky galanyň ähli ýaşululary
akar suwuň boýunda boýny omrulan
ýaş göläniň üstünde ellerini ýuwsunlar.
[7]Soňra olar şeýle sözleri jar çeksinler:
„Bu gana biziň elimiz bulaşmady, kimiň
edenini-de gözümiz bilen görmedik. [8]Ýa
Reb, Öz azat eden halkyňy – ysraýyllary
bagyşla. Nähak dökülen ganyň günäsini
Öz halkyň Ysraýylyň arasynda galdyr-
ma“. Şonda olar şol ganyň günäsinden
boşarlar. [9]Şeýdip, nähak dökülen ganyň
günäsini öz araňyzdan aýryp, Rebbiň
nazarynda dogry işleri edersiňiz.

### *Ýesir düşen aýala öýlenmek hakda*

[10]Duşmanlaryňyza garşy urşa çykany-
ňyzda, Hudaýyňyz Reb olary siziň eliňize
berse, siz hem olary ýesir alsaňyz [11]we
ýesirleriň arasyndan bir owadan aýala
göwnüňiz gidip, oňa öýlenmekçi bolsaňyz,
[12]ony öýüňize alyp geliň. Ol aýal saçyny
syrsyn we dyrnaklaryny alsyn. [13]Egnin-
däki ýesirlik geýimlerini çykaryp, seniň
öýüňde tutuş bir aý oturyp, ene-atasynyň
ýasyny tutsun. Şondan soň sen onuň ýa-
nyna girip, onuň adamsy bolarsyň, ol hem
seniň aýalyň bolar. [14]Emma soňrak ony
halamasaň, sen ol aýaly boşatmalysyň.
Sen onuň namysyna degendigiň üçin, ony
gyrnak hökmünde satmaly dälsiň.

### *Nowbahar ogluň paýy*

[15]Bir adamyň iki aýaly bolup, birini
halap, beýlekisini halamaýan bolsa, ola-
ryň ikisi-de oňa ogul dogrup berse we
halamaýan aýalynyň ogly onuň nowbahar
ogly bolsa, [16]bir gün emlägini ogullaryna
paýlanda, ol halamaýan aýalyndan bolan
nowbahar oglunyň paýyny halaýan aýa-
lynyň ogluna bermesin. [17]Ol halamaýan
aýalynyň ogluny nowbahar oguldygyny
boýun alyp, oňa ähli zadyndan iki esse
paý bermelidir, çünki ol ogul onuň ju-
wanlyk çagynyň ilkinji miwesidir. Ilkinji
ogullyk haky onuňky bolmalydyr.

### *Boýun egmezek ogul*

[18]Eger biriniň hötjet, boýun egmezek,
ata-enesine gulak asmaýan, olaryň terbi-
ýesini almaýan ogly bar bolsa, [19]ata-enesi
ony tutup, şol ýerdäki galanyň derwe-
zesiniň golaýyna, ýaşulularyň ýanyna
getirsin. [20]Olar galanyň ýaşulularyna:
„Biziň bu oglumyz dikdüşdi we gyňyr.
Ol bize boýun egenok. Ol açgöz hem
içegen“ diýsinler. [21]Soňra galanyň ähli
erkekleri ony daşlap öldürsinler. Şeýdip,
siz öz araňyzdan pisligi aýryp taşlaň.
Ähli ysraýyllar muny eşidip gorkarlar.

### *Jenaýatçynyň jesedi*

[22]Eger biri jenaýat edip, ölüm jezasyna
höküm edilse we siz ony agaçdan asyp
öldürseňiz, [23]onuň jesedini agaçdan

uzak gije asyp goýmaň. Siz ony hökman
şol gün jaýlamalysyňyz, çünki agaçdan
asylan adam Hudaý tarapyndan nälet-
lenendir. Hudaýyňyz Rebbiň size mülk
edip berýän ýerini harama çykarmaň.

## 22-nji bap

### *Ýaşaýyş üçin gündelik parzlar*

1 Biriniň azaşyp gelen öküzini ýa-
da goýnuny görübem görmediksirän
bolmaň. Ol mallary eýesine getirip be-
riň. 2 Eger eýesi sizden uzakda ýaşaýan
bolsa ýa-da ony tanamaýan bolsaňyz,
mallary öýüňize getiriň. Eýesi idäp
gelýänçä saklap, eýesi gelende olary
berersiňiz. 3 Kimdir biriniň ýitiren eşe-
gini, geýim-gejimini – ýitiren islendik
zadyny tapanyňyzda hem şeýle ediň.
Öz kömegiňizi gaýgyrmaň. 4 Biriniň
eşeginiň ýa-da öküziniň ýolda ýykylyp
ýatanyny görübem görmezlige salmaň.
Ony aýaga galdyrmaga kömek ediň.
5 Aýal erkek geýimini, erkek hem aýal
geýimini geýmeli däldir. Çünki munuň
ýaly işler etmek Hudaýyňyz Rebbiň na-
zarynda nejislikdir.
6 Eger agaçda ýa-da ýerde guşuň hö-
würtgesiniň üstünden gelseňiz we ene guş
çagalary bilen, ýa-da ýumurtgalarynyň
üstünde oturan bolsa, ene guşy çagalary
bilen bile almaň. 7 Ene guş, goý, gitsin,
onuň diňe çagalaryny alyň, şonda siz
gowy günler görüp, ömrüňiz uzak bolar.
8 Täze jaý gursaňyz, jaýyň üçegi üçin
germew tutuň, ýogsam biri ýykylar-da,
öýüňizde nähak gan döküler. 9 Üzüm
bagyňyzda iki hili ekin ekmäň, ýogsam
eken ekiniňiz hem, üzümçiligiň hasyly
hem Mukaddes öýe berler. 10 Öküz bilen
eşegi bile goşup ýer sürmäň. 11 Ýüň we
zygyr goşulyp dokalan geýimleri geý-
mäň. 12 Egniňize geýýän donuňyzyň
burçlaryna gotaz tikiň.

### *Jynsy gatnaşyklar hakynda*

13 Bir adam bir gyza öýlenip, oňa ýa-
naşandan soň, ony halaman, 14 gyzy
günäkärläp: „Men bu gyza öýlendim,
ýöne onuň ýanyna girenimde, bu gyz
çykmady“ diýip, oňa töhmet atsa, 15 gy-
zyň ata-enesi onuň päkligi hakyndaky
subutnamany äkidip, derwezäniň ag-
zynda galanyň ýaşulularyna görkezsin.
16 Gyzyň atasy ýaşululara: „Men gyzymy
bu adama durmuşa çykardym, emma
ol meniň gyzymy halaman, 17 ‘Bu gyz
çykmady’ diýip, nähak günäkärledi.
Emma gyzymyň päkligini görkezýän
subutnama, ine, şu ýerde“ diýsin. Soňra
olar bu subutnama matany galanyň ýa-
şulularynyň öňünde ýazyp görkezsinler.
18 Galanyň ýaşululary ol adamy gamçy
bilen jezalandyrsynlar. 19 Ýaşulular oňa
iki ýüz elli mysgal [a] kümüş jerime salyp,
bu puly gyzyň atasyna bersinler, sebäbi
ol adam Ysraýylyň päk gyzyna töhmet
atdy. Ol gyz töhmet atan adamyň aýa-
ly bolup galsyn. Ol adama ömürboýy
ondan aýrylyşmaga rugsat berilmeýär.
20 Eger ol adamyň aýdanlary dogry
bolup, ol gyzyň gyzlygy ýok bolsa, 21 ony
atasy öýüniň girelgesine getirsinler-de,
galanyň erkekleri daşlap öldürsinler,
sebäbi ol atasy öýünde loluçylyk edip,
Ysraýylda masgaraçylykly iş edipdir.
Şeýdip, siz öz araňyzdan pisligi aýryp
taşlaň. 22 Eger bir adamy başga biriniň
aýaly bilen ýatyrka tutsaňyz, olaryň iki-
sini hem öldüriň. Şeýdip, siz Ysraýyldan
pisligi aýryp taşlaň. 23 Eger bir boý gyz
birine adaglanan bolsa, başga bir adam

[a] **22:19** ***Iki ýüz elli mysgal*** – ýewreýçe *ýüz şekel*. Bu takm. 1,2 kg deňdir.

galada bu gyza duşup, oňa ýanaşsa, 24ola-
ryň ikisini hem galanyň derwezesiniň
ýanyna getirip, daşlap öldüriň. Bu gyz
galada bolubam, kömek sorap gygyr-
mandygy üçin, ol adam bolsa öz ysraýyl
doganynyň gelinligini zorlandygy üçin
öldüriň. Şeýdip, siz öz araňyzdan pisligi
aýryp taşlaň. 25Emma ol adam adaglanan
boý gyza çola ýerde duşup zorlan bolsa,
onda diňe zorlan erkegi öldüriň. 26Gyza
bolsa hiç zat etmäň. Ol ölüm jezasyna
laýyk jenaýat etmändir. Sebäbi bu ýagdaý
edil biriniň üstüne topulyp, ony öldüren
ýalydyr. 27Çünki ol adam bu gyzy çola
ýerde tapdy. Adaglanan gyz kömek sorap
çagyryp gygyran hem bolsa, ol ýerde
ony halas etmäge hiç kim bolmandyr.
28Eger bir adam adaglanmadyk boý gyza
duşsa, ony tutup, onuň bilen ýatsa we
olar bu işiň üstünde tutulsalar, 29gyza
ýanaşan adam gyzyň atasyna ýüz on
mysgal[a] kümüş bersin. Ol gyz onuň
aýaly bolar. Ol adam gyzy zorlandygy
sebäpli, ömürboýy ondan aýrylyşmaga
ygtyýar berilmeýär.

30Ogly öz atasyny namysa goýup, onuň
aýallaryndan aýal almasyn.

## 23-nji bap

### *Rebbiň jemagatyna girip bilmeýän adamlar*

1Erkeklik tohumlygy ýenjilen ýa-da ke-
silen adam Rebbiň jemagatyna girmeýär.
2Bikanun doglan Rebbiň jemagatyna
girmeýär. Hatda olaryň soňky nesille-
riniňem hiç biri Rebbiň jemagatyna
girmeýär.
3Ammonlar hem, mowaplar hem
Rebbiň jemagatyna girmeýär. Hatda
olaryň soňky nesilleriniň hiç biri Rebbiň
jemagatyna girmeýär. 4Sebäbi siz Müsür-
den çykyp gaýdanyňyzda, olar ýolda sizi
duz-çörek we suw bilen garşy almadylar.
Olar sizi näletlemek üçin, Mesopotami-
ýada Petor galasyndan bolan Begoryň
ogly Bilgamy hakyna tutdular. 5Emma
Hudaýyňyz Reb Bilgamy diňlemekden
ýüz öwrüpdi. Ol sizi söýensoň, şol näleti
alkyşa öwrüpdi. 6Ömrüňiziň bütin dowa-
mynda hiç wagt olaryň salamatlygy we
abadanlygy ugrunda çalyşmaň.

7Edomlaryň hijisini ýigrenmäň, çünki
olar siziň garyndaşlaryňyzdyr. Müsür-
lileriň hem hijisini ýigrenmäň, çünki
siz olaryň ýurdunda gelmişek bolup
ýaşadyňyz. 8Olaryň agtyklary Rebbiň
jemagatyna girip biler.

### *Harby düşelgäniň tämizligi*

9Duşmanlaryňyza garşy söweşmek üçin
düşläniňizde özüňizi her hili haramlykdan
goraň. 10Eger araňyzdan biriniň gije to-
humy akyp, haram bolsa, düşelgäňizden
daşary çyksyn. Ol düşelgäňize girmeli
däldir. 11Agşam düşende, ol ýuwunsyn,
Gün batandan soň, ol düşelgäňize gi-
rip biler. 12Aýak ýoly üçin düşelgäňiziň
daşynda belli bir hajathana ýeriňiz bol-
malydyr. 13Aýak ýoluna çykanyňyzda,
ýanyňyz bilen kepje alyp gidiň. Täret
edip bolanyňyzdan soň, çukur gazyp, tä-
retiňizi gömüň. 14Çünki Hudaýyňyz Reb
sizi halas etmek üçin we duşmanlaryňyzy
siziň eliňize bermek üçin düşelgäňiziň
içine aýlanar. Şonuň üçin düşelgäňiz päk
bolmalydyr, Reb araňyzda nejis zat görüp,
sizden ýüz öwürmesin.

### *Gaçýan gullar hakda*

15Hojaýynlaryndan gaçyp, ýanyňy-
za gelen gullary yzyna eltip bermäň.

[a] **22:29** ***Ýüz on mysgal*** – ýewreýçe *elli şekel*. Bu takm. 600 gr deňdir.

16 Olar siziň araňyzda, öz saýlan islendik
galasynda, göwünleriniň islän ýerinde
siziň bilen bile ýaşabersinler. Olary
horlamaň.

### *Loluçylyk hakda*

17 Ysraýyl gyzlarynyň hiç biri sež-
de edilýän ýerde loly bolup işlemesin.
Ysraýyl ogullarynyň hem hiç biri
munuň ýaly iş etmesin. 18 Olaryň lo-
luçylykdan gazanan hakyny aýdylan
sadakalaryň tölegi hökmünde Huda-
ýyňyz Rebbiň öýüne getirmäň. Çünki
bularyň ikisi hem Hudaýyňyz Reb
üçin nejislikdir.

### *Karz bermek hakda*

19 Ysraýyl doganyňyza pul, azyk, beý-
leki zatlary peýda görmek niýeti bilen
karz bermäň. 20 Peýda görmek üçin ke-
seki ýurtla karz berseňiz bolar, emma öz
ysraýyl doganyňyza karzy peýda görmek
üçin bermäň. Şonda Hudaýyňyz Reb
siziň mülk edinjek ýurduňyzda etjek
ähli işleriňize bereket berer.

### *Aýdylan sadaka hakda*

21 Hudaýyňyz Rebbe sadaka aýdan
bolsaňyz, ony gijikdirmän beriň, çün-
ki Hudaýyňyz Reb aýdan sadakaňyzy
sizden hökman talap eder. Eger siz ony
ýerine ýetirmeseňiz, günä gazanarsyňyz.
22 Sadaka aýtmadyk bolsaňyz, onda gü-
nä gazanmarsyňyz. 23 Ýöne Hudaýyňyz
Rebbe öz agzyňyz bilen aýdan sadaka-
ňyzy aýdyşyňyz ýaly, diliňiziň geplän
zadyny yhlas bilen ýerine ýetiriň.

### *Biriniň üzüm we bugdaýyny iýmek hakda*

24 Eger siz biriniň üzüm bagyna gir-
seňiz, onuň üzüminden tä doýýançaňyz
iýseňiz iýiň, ýöne ondan gaba salyp
ýanyňyz bilen alyp gaýtmaň. 25 Eger
siz biriniň ekin meýdanyna girseňiz,
bugdaýyň dänesini eliňiz bilen ýyg-
saňyz, ýygyň, emma onuň bugdaýyna
orak salmaň.

## 24-nji bap

1 Eger bir adam bir gyza öýlense, ýö-
ne ondan kemçilik tapandygy üçin ony
halamasa, onda, goý, ol aýalynyň eli-
ne talak hatyny ýazyp bersin we ony
öýünden çykaryp goýbersin. 2 Ol aýal
onuň öýünden gidip, başga birine dur-
muşa çykyp biler. 3 Emma ol aýalyň
ikinji adamsy hem halaman, onuň eli-
ne talak hatyny berip, öýünden kowsa
(ýa-da onuň ikinji baran adamsy ölse),
4 kowup goýberen birinji äri onuň ha-
ramdygy üçin, ony ikilenç özüne aýal
edip almaga hakly däldir, çünki beýle
etmek Rebbe nejislikdir. Hudaýyňyz
Rebbiň size mülk edip berýän ýerini
harama çykarmaň.
5 Eger bir adam täze öýlenen bolsa,
ol urşa gitmesin ýa-da oňa hiç hili jo-
gapkärçilikli iş tabşyrylmasyn. Ol bir
ýyl öýünde galyp, öz alan aýaly bilen
şady-horramlykda ýaşasyn.

### *Girewler, adam ogurlygy, ýokanç deri keseli hakda*

6 Hiç kimiň degirmenini ýa-da degir-
men daşyny girewine almaň, çünki bu
onuň durmuşyny girewine aldygyňyz
bolar.
7 Eger biri başga bir ysraýyllyny ogur-
lap gul etse ýa-da ony satsa, ol ogurlan
adam öldürilsin. Şeýdip, siz öz araňyz-
dan pisligi aýryp taşlaň.
8 Deri keselinden gaty ägä boluň. Me-
niň lewi ruhanylaryna buýruşym ýaly,
olaryň size öwredýän her bir zadyny üns
bilen ýerine ýetiriň. 9 Müsürden çykyp

gaýdanyňyzda, ýolda Hudaýyňyz Rebbiň
Merýemi nädendigini ýadyňyza salyň.

### *Karz bermek we girew almak hakda*

10 Birine bir zat karz berseňiz, öýüne
girip, ondan girew almaň. 11 Karz alan
adamyň özi size girew getirýänçä, daşar-
da oturyň. 12 Eger ol adam garyp bolsa,
onuň girewine berýän donunda ýatmaň.
13 Onuň girewini Gün batmanka yzyna
eltip beriň, şonda ol öz donunda ýatar
we size alkyş aýdar. Şeýle hem bu Huda-
ýyňyz Rebbiň huzurynda saňa dogrulyk
saýylar. 14 Isle ol öz ysraýyl doganyňyz
bolsun, isle ýurduňdaky galalarda ýa-
şaýan gelmişek, garaz, garyp we mätäç
günlükçiniň işlän hakyny tutup galmaň.
15 Her gün siz olaryň hakyny Gün ýaş-
manka tölemelisiňiz. Sebäbi olar garyp
we olaryň gün-güzerany şoňa baglydyr.
Ýogsam olar siziň garşyňyza Rebbe
nalyş bilen ýüz tutarlar we siz günä
gazanarsyňyz.

### *Adalatlylyk hakynda*

16 Atalar ogullary üçin ölüme hököm
edilmesin. Ogullar hem atalary üçin ölü-
me hököm edilmesin. Her kim diňe öz
eden jenaýatyna görä ölüme hököm edil-
sin. 17 Gelmişege ýa-da ýetime hököm
edilende, egrilik etmäň. Duluň geýimini
girewine almaň. 18 Özüňiziň hem Müsür-
de gul bolandygyňyzy we Hudaýyňyz
Rebbiň sizi ol ýerden azat edendigini
ýadyňyzdan çykarmaň. Şonuň üçin men
size şeýle etmegi buýurýaryn.

### *Hasyl ýygnamak hakynda*

19 Siz meýdanda hasylyňyzy ýygna-
nyňyzda, ol ýerde ýadyňyzdan çykaryp
galdyran dessäňizi getirmek üçin, yzyňy-
za gaýtmaň. Ol gelmişege, ýetim-ýesire
we dula galsyn. Şonda Hudaýyňyz Reb
siziň ähli işleriňize bereket berer. 20 Siz
zeýtun agajyňyzyň miwesini kakany-
ňyzda, onuň galan-gaçanyny çöplemäň.
Olar gelmişege, ýetim-ýesire, dula gal-
syn. 21 Üzüm baglaryňyzyň üzümini
ýyganyňyzda, galan-gaçanyny ýygmaň.
Olary gelmişek üçin, ýetim-ýesir üçin
we dul aýal üçin galdyryň. 22 Özüňiziň
hem Müsürde gul bolandygyňyzy ýa-
dyňyzda saklaň. Şonuň üçin men size
şeýle etmegi buýurýaryn.

## 25-nji bap

### *Jezalar hakynda*

1 Iki adam dawalaşsa, goý, olar kazy-
laryň ýanyna barsynlar. Kazylar olaryň
arasyndaky dawany çözüp, dogryny dog-
ry, günäkäri günäkär diýip jar etsinler.
2 Eger günäkär urulmaga laýyk bolsa,
kazy öz gözüniň alnynda ony ýatyryp,
eden günäsine görä sanap gamçylatsyn.
3 Iň ýokary çägi kyrk gamçydyr, şondan
artyk bolmasyn. Eger kyrk gamçydan
köp ursaňyz, onda ysraýyl doganyňyz
gözüňiziň alnynda mertebesini ýitirer.
4 Harman döwýän öküziň agzyny
baglamaň.

### *Ölen dogany üçin berjaý edilmeli borç*

5 Aga-ini bile ýaşaýan bolsa, olaryň
biri ölse we onuň hem ogly ýok bolsa,
ol merhumyň aýaly başga bir kesekä
äre gitmesin. Ol öleniň dogany onuň
ýanyna girip, oňa öýlenmelidir we oňa
doganynyň ärlik borjuny ýerine ýe-
tirmelidir. 6 Ol aýalyň dogran ilkinji
oglunyň adyna ölen doganynyň adyny
daksyn. Şonda ol merhumyň ady Ys-
raýyldan öçüp gitmez. 7 Eger ol adam
doganynyň dul galan aýalyna öýlenmek
islemese, dul aýal gala derwezesiniň

agzyna ýaşulularyň ýanyna gelip: „Me-
niň ärimiň dogany öz agasynyň adyny
Ysraýylda galdyrmakdan ýüz öwürýär.
Ol doganynyň deregine meniň üçin ärlik
borjuny berjaý etmeýär“ diýsin. 8 Soňra
galanyň ýaşululary merhumyň doganyny
çagyryp, onuň bilen gepleşsinler. Eger
ol şonda-da öz diýenini tutup: „Men
oňa öýlenmek islemeýärin“ diýse, 9 onda
doganynyň aýaly ýaşulularyň gözüniň
alnynda onuň ýanyna baryp, onuň aýa-
gyndaky çepegini çykaryp, onuň ýüzüne
tüýkürsin we oňa: „Öz doganynyň öýüni
dikeltmeýän adama, ine, şeýle edýärler“
diýip, muny jar etsin. 10 Bütin Ysraýylyň
içinde onuň nesli „çepegi çykarylan öý“
hökmünde belli bolsun.

### *Adalatlylyk hakda*

11 Iki adam urşup durka, biriniň aýaly
gelip, ärini halas etjek bolup, urup duran
adamyň uýat ýerinden tutsa, 12 ol aýalyň
elini çapyň. Oňa rehimdarlyk etmäň.
13 Torbaňyzda iki dürli: biri agyr, biri
ýeňil terezi daşy bolmasyn. 14 Öýüňizde
biri uly, biri kiçi bolan iki dürli ölçeg
gaby bolmasyn. 15 Siziň diňe doly we
dogry terezi daşyňyz, şeýle hem, haky-
ky ölçegiňiz bolsun. Şonda Hudaýyňyz
Rebbiň size berjek ýerinde ömrüňiz
uzak bolar. 16 Çünki adalatsyzlyk ed-
ýänleriň hemmesi Hudaýyňyz Rebbiň
nazarynda nejisdir.

### *Amalekleri öldürmek hakdaky buýruk*

17 Müsürden çykyp gaýdanyňyzda,
amalekleriň size näme edendigini ýa-
dyňyza salyň. 18 Ysgyn-mydarsyz galan
wagtyňyz, olar Hudaýdan gorkman,
ýolda üstüňize çozup, siziň yzda galan-
laryňyzyň hemmesini gyrdylar. 19 Şonuň
üçin hem, Hudaýyňyz Rebbiň size mülk
edip beren ýerinde ýaşanyňyzda – Huda-
ýyňyz Reb size ähli duşmanlaryňyzyň
elinden parahatçylyk alyp berende, ama-
lekleri hiç kim ýatlamaz ýaly, olaryň
adyny asmanyň astyndan ýok edip taş-
lamagy ýatdan çykarmaň.

## 26-njy bap

### *Ilkinji hasyldan berilýän sadakalar*

1 Hudaýyňyz Rebbiň mülk edip berýän
ýurduna gelip, ol ýerde ornaşanyňyzda,
2 Onuň size berýän bu ýeriniň ähli miwe-
leriniň ilkinji hasylyndan sebede salyp,
Özüne ybadat edilmegi üçin Hudaýyňyz
Rebbiň saýlajak ýerine baryň. 3 Siz şol
döwürde hyzmat edýän ruhanynyň ýa-
nyna baryp, oňa: „Bu gün men Rebbiň
ata-babalarymyza wada eden ýurduna
gelendigimi Hudaýyňyz Rebbiň hu-
zurynda jar edýärin“ diýiň. 4 Ruhany
siziň eliňizden sebedi alyp, Hudaýyňyz
Rebbiň gurbanlyk sypasynyň öňünde
goýsun. 5 Sen Hudaýyňyz Rebbiň hu-
zurynda şeýle diý: „Sergezdan siriýaly
meniň ata-babamdy. Ol birnäçe adam
bilen Müsüre gitdi we ol ýerde gelmişek
bolup ýaşady. Ondan köp sanly beýik,
güýçli halk emele geldi. 6 Müsürliler
bizi ezdiler, gynadylar, agyr işler bilen
egnimizden basdylar. 7 Biz ata-babala-
rymyzyň Hudaýy Rebbe dady-perýat
etdik. Reb biziň sesimize gulak asdy
we biziň çekýän jebirlerimizi, agyr
zähmetimizi we ezilýändigimizi gördi.
8 Reb Öz gudraty we güýji bilen, äpet
elhençlikleriniň güýji bilen, alamatlary
we mugjyzalary bilen bizi Müsürden
çykaryp getirdi. 9 Ine, bizi bu ýere geti-
rip, bize süýt we bal akýan ýurdy berdi.
10 Şeýdip, men Rebbiň özüme beren ýe-
riniň ilkinji miwesini getirdim“. Siz ony
Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda goýup,

Onuň huzurynda baş egip sežde ediň.
11 Soňra Hudaýyňyz Rebbiň özüňize we
öýüňize eçilen bolelinligi üçin lewiler
we araňyzda ýaşaýan gelmişekler bilen
bile şatlanyp baýram ediň.
12 Üçünji ýylda (hasylyň ondan biri
berilýän ýyly) ähli hasylyňyzyň ondan
birini lewilere, gelmişeklere, ýetimlere
we dullara bereniňizde, olar galalaryň-
yzda ondan iýip doýsunlar. 13 Soňra siz
Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda şeýle
diýiň: „Men öýümden Seniň mukaddes
paýyňy aýyrdym. Seniň maňa beren
buýruklaryňyň esasynda men ony le-
wilere, aramyzda ýaşaýan gelmişeklere,
ýetimlere we dullara berdim. Men Seniň
buýruklaryňdan hiç ýana çykmadym,
olaryň hiç birini ýatdan çykarmadym.
14 Men ýas tutýan wagtym mukaddes
paýyňdan iýmedim. Murdar wagtym
men ondan hiç zat paýlamadym. Men
ondan hiç zady ölä hödür etmedim. Edil
maňa buýruşyň ýaly edip, Hudaýym Reb,
Saňa boýun egdim. 15 Mukaddes meka-
nyň asmandan bize seredip, Öz halkyň
Ysraýyly ýalka we ata-babalarymyza
söz berşiň ýaly, bize bagyş eden süýt
we bal akýan ýurduňa bereket inder“.

### *Rebbiň saýlan halky*

16 Hudaýyňyz Rebbiň bu günki size
berýän şu parzlaryny we hökümlerini
berjaý ediň. Olary tutuş ýüregiňiz bi-
len jan-tenden ýerine ýetiriň. 17 Bu gün
siz Rebbiň öz Hudaýyňyz bolmagyny
gazanyp, Onuň ýolundan ýörejekdigi-
ňizi, Onuň parzlarydyr tabşyryklaryny
we hökümlerini ýerine ýetirip, Oňa
gulak asjakdygyňyzy mälim etdiňiz.
18 Bu gün Reb söz berşi ýaly, Ol sizi
Özüniň gymmatly halky hökmünde
saýlandygyny we Onuň buýruklary-
ny ýerine ýetirmelidigiňizi mälim etdi.
19 Çünki Ol şöhratda, meşhurlykda we
sylag-hormatda Özüniň ýaradan ähli
milletlerinden sizi ýokarda goýdy. Ol Öz
söz berşi ýaly, siz Hudaýyňyz Rebbiň
mukaddes halky bolarsyňyz».

## 27-nji bap

### *Eýbal dagynda gurlan gurbanlyk sypasy*

1 Soňra Musa Ysraýylyň ýaşululary
bilen halka şeýle tabşyryklar berdi: «Bu
günki meniň size tabşyrýan ähli buýruk-
larymy berjaý ediň. 2 Iordan derýasyndan
geçip, Hudaýyňyz Rebbiň size berýän
ýurduna giren günüňiz, uly daşlary dikip,
olara hek çalyň. 3 Ata-babalaryňyzyň
Hudaýy Rebbiň söz berşi ýaly, Iordandan
geçip, Hudaýyňyz Rebbiň berýän süýt
we bal akýan ýurduna gireniňizde, bu
Kanunyň ähli sözlerini daşlaryň ýüzüne
ýazyň. 4 Şeýlelikde, siz Iordandan geçe-
niňizde, meniň bu günki buýruşym ýaly,
şol daşlary Eýbal dagynda dikip, olara
hek çalyň. 5 Şol ýerde Hudaýyňyz Reb-
be daşdan gurbanlyk sypasyny guruň,
daşlary taýýarlanyňyzda demir gurallar
ulanmaň. 6 Hudaýyňyz Rebbiň gurban-
lyk sypasy demir degmedik daşlardan
ýasalsyn. Soňra onuň üstünde Hudaýy-
ňyz Rebbe ýakma gurbanlygyny beriň.
7 Hudaýyňyz Rebbiň huzurynda şatlanyp,
salamatlyk gurbanlygyny beriň, ony şol
ýerde iýiň. 8 Bu Kanunyň ähli sözlerini
daşlaryň ýüzüne düşnükli edip ýazyň».
9 Soňra Musa we lewi ruhanylary: «Eý,
ysraýyl halky, ümsüm bol we gulak
goý! Hut şu gün siz Hudaýyňyz Rebbiň
halky bolduňyz. 10 Şonuň üçin hem siz
Hudaýyňyz Rebbe gulak asyp, Onuň bu
günki meniň üstüm bilen size berýän
tabşyryklaryny we parzlaryny ýerine ýe-
tiriň» diýip, ähli ysraýyllara ýüzlendiler.

### *On iki nälet*

11 Şol gün Musa ysraýyl halkyna şeýle
tabşyryklar berdi: 12 «Iordan derýasyndan
geçeniňizde, şimgon, lewi, ýahuda, ysakar,
ýusup we benýamin tireleri alkyş sözleri
aýtmak üçin Gerizim dagynyň öňünde
dursunlar. 13 Ruben, gat, aşer, zebulun,
dan we naftaly tireleri bolsa nälet sözle-
ri okamak üçin Eýbal dagynyň öňünde
dursunlar. 14 Şundan soň lewiler gaty ses
bilen ähli ysraýyllara şuny jar etsinler:
15 „Kimde-kim Rebbe nejis bolan senet
işlerini edip, but ýa-da şekil ýasap, ony giz-
lin ýerde sežde etmek üçin goýsa, goý, oňa
nälet bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
16 „Ata-enesini kemsiden adama nälet
bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
17 „Goňşusynyň araçäk daşyny süýşü-
rene nälet bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“
diýsin.
18 „Köri ýoldan azaşdyrana nälet bol-
sun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
19 „Gelmişege, ýetime we dul hatyna
adalatsyzlyk eden adama nälet bolsun!“
Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
20 „Öz atasyny namysa goýup, onuň
aýaly bilen ýatana nälet bolsun!“ Ähli
halk „Omyn!“ diýsin.
21 „Islendik haýwan bilen ýanaşana
nälet bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
22 „Bir atadan ýa-da bir eneden bolan
gyz dogany bilen ýatana nälet bolsun!“
Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
23 „Öz gaýynenesi bilen ýatana nälet
bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
24 „Gizlinlikde adam öldürene nälet
bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
25 „Nähak gan dökmek üçin para alana
nälet bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.
26 „Bu kanunlaryň sözlerini oňlama-
ýana, olary ýerine ýetirmeýäne nälet
bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin.

## 28-nji bap

### *Boýun egmeklikden gelýän bereketler*

1 Eger siz diňe Hudaýyňyz Rebbe gu-
lak asyp, Onuň bu günki meniň üstüm
bilen berýän ähli buýruklaryny yhlas
bilen ýerine ýetirseňiz, Hudaýyňyz Reb
sizi ýer ýüzündäki ähli milletlerden
beýgelder. 2 Eger siz Hudaýyňyz Rebbe
gulak assaňyz, üstüňize bereket ýagyp,
sizi bereket gurşap alar.
3 Galalaryňyza hem, atyzlaryňyza hem
bereket ýagar.
4 Hudaýyňyz Reb her bir etjek işiňize
bereket berer, köp ogul-gyzly bolar-
syňyz, mal-garalaryňyzyň sany artyp,
topragyňyzyň hasyly bol bolar.
5 Sebediňiz doly bolar, saçagyňyz be-
reketli bolar.
6 Nirä gitseňiz hem, näme etseňizem
bereketli bolarsyňyz.
7 Reb size garşy baş göteren duşman-
laryňyzy siziň öňüňizde derbi-dagyn
eder. Olar siziň üstüňize bir tarapdan
çozup, yzlaryna çar tarapa gaçarlar.
8 Reb siziň ammarlaryňyza, başlan her
bir işiňize bereket inmegi üçin buýruk
berer. Hudaýyňyz Reb özüňize berýän
ýurdunda sizi ýalkar. 9 Eger siz Hudaýy-
ňyz Rebbiň buýruklaryny ýerine ýetirip,
Onuň ýolundan ýöreseňiz, Ol söz berşi
ýaly, sizi Özüniň mukaddes halky eder.
10 Ýer ýüzündäki ähli halklar siziň Reb
tarapyndan saýlanandygyňyzy görerler
we olar sizden gorkarlar. 11 Ata-babalary-
ňyza wada eden ýurdunda ýaşanyňyzda,
Reb siziň örňäp ösmegiňizi, mal-gara-
laryňyzyň artmagyny we topragyňyzyň
hasylyny bolluk bilen eçiler. 12 Reb Özü-
niň baý hazynasy bolan asmany açyp,
ýeriňize wagtynda ýagyş ýagdyrar we

başyna baran her bir işiňizde bereket
berer. Siz köp halklara karz berersiňiz,
emma özüňiz hiç kimden karz almar-
syňyz. 13 Hudaýyňyz Rebbiň bu günki
meniň üstüm bilen size berýän buýruk-
laryna boýun egip, olary yhlas bilen
ýerine ýetirseňiz, Reb sizi aýakda däl-de,
başda goýar. 14 Başga hudaýlara gulluk
etmek üçin, olaryň yzyna düşmeseňiz,
meniň bu günki berýän buýruklarymyň
hijisinden ýüz öwürmeseňiz, olardan
saga-sola sowulmasaňyz, siz diňe be-
lentde bolarsyňyz, pesde bolmarsyňyz.

### *Boýun egmezlikden gelýän näletler*

15 Emma siz Hudaýyňyz Rebbe boýun
bolman, Onuň bu günki meniň üstüm
bilen berýän ähli tabşyryklaryny we
parzlaryny yhlas bilen ýerine ýetirmese-
ňiz, onda, goý, şu näletleriň ähli si siziň
başyňyzdan insin we sizi gurşap alsyn.
16 Galalaryňyza, atyzlaryňyza nälet
bolsun.
17 Sebediňize, saçagyňyza nälet bolsun.
18 Örňäp ösmegiňize, topragyňyzyň
hasylyna, sygyrlaryňyzyň we dowarla-
ryňyzyň artmagyna nälet bolsun.
19 Nirä gitseňiz hem, näme etseňizem
size nälet bolsun.
20 Etjek bolýan ähli işleriňiziň üs-
tünden Reb betbagtçylyk, howsala we
şowsuzlyk inderer. Menden ýüz öwrüp,
pis işler edendigiňiz üçin, siz gyrlyp, tiz
heläk bolarsyňyz. 21 Mülk edinmek üçin
baran ýeriňizden ýok edýänçä, Reb sizi
gyrgyna berer. 22 Reb size bedeni igled-
ýän keselden, gyzdyrmadan, çişmeden,
ysytmadan, gurakçylykdan, ýakyp ýan-
dyrýan epgekden we heňden ýaňa ejir
çekdirer. Tä doly heläk bolýançaňyz,
şeýle külpetler sizden aýrylmaz. 23 De-
päňizdäki asman mise, aýagyňyzyň
astyndaky ýer bolsa demre döner. 24 Reb
ýeriňize ýagdyrýan ýagşyny tozana öw-
rer. Siz doly gyrylýançaňyz, üstüňize
asmandan diňe gum ýagar.
25 Reb sizi duşmanlaryňyzyň öňün-
de ýeňlişe sezewar eder. Siz olaryň
garşysyna bir tarapdan hüjüm etseňiz,
yzyňyza gaçanyňyzda çar tarapa gaçar-
syňyz. Başyňyzdan inen bela-beterler
ýer ýüzündäki ähli şalyklary howsala
salar. 26 Siziň jesetleriňiz asmandaky guş-
lara we ýerdäki haýwanlara iýmit bolar.
Olary kowmaga adam tapylmaz. 27 Reb
size Müsürde görkezen başly ýaralar
bilen: örgün, iriňli ýaralar we gijilewük
bilen ejir çekdirer. Siz olardan saplanyp
bilmersiňiz. 28 Reb sizi dälireder, gözü-
ňizi kör eder, akylyňyzdan azaşdyrar.
29 Garaňkylykda körleriň sermenekläp
ýöreýişleri ýaly, gündiz hem ýoluňyzy
sermeläp ýörärsiňiz, emma siz ýoluňyzy
tapyp bilmersiňiz. Sizi dyngysyz ezerler
we talarlar, siziň dadyňyza hiç kim ýet-
mez. 30 Bir gyza adaglanarsyňyz, emma
onuň bilen başga biri ýatar. Jaý gurarsy-
ňyz, emma onda özüňiz ýaşamarsyňyz.
Üzüm agaçlaryny oturdarsyňyz, emma
onuň miwesinden iýmersiňiz. 31 Öküzi-
ňizi gözüňiziň alnynda soýarlar, emma
onuň etinden iýmersiňiz. Edil gapdaly-
ňyzda eşegiňizi ogurlarlar, emma yzyna
getirmezler. Goýunlaryňyzy duşmanla-
ryňyza bererler. Size kömek eden bolmaz.
32 Ogullaryňyz we gyzlaryňyz gözüňiziň
alnynda başga halklara berler. Günuzyn
olary agtarmakdan ýaňa, gözüňiziň nury
öçer, emma eliňizden gelen zat bolmaz.
33 Tanamaýan bir halkyňyz ýeriňiziň ha-
sylyny iýip, çeken agyr zähmetiňiziň
hözirini görer. Siz dyngysyz ezilip gy-
nalarsyňyz. 34 Siziň gözüňiz bilen görjek
görgüleriňizden ýaňa, akylyňyz çaşar.
35 Reb dyzyňyza, aýagyňyza, ökjäňizden
tä süýr depäňize çenli agyryly çybanlar

çykarar. 36 Reb sizi we siziň üstüňizden goýlan patyşany özüňiziň, hatda ata-babalaryňyzyň hem tanamaýan-bilmeýän halkynyň üstünden elter. Ol ýerde siz agaçdan we daşdan ýasalan başga hudaýlara gulluk edersiňiz. 37 Rebbiň sizi elten ähli halklarynyň arasynda olar üçin gorky bolarsyňyz, dile düşüp, gülki bolarsyňyz.

38 Meýdana köp tohum sepersiňiz, emma az hasyl alarsyňyz, çünki ony çekirtge iýip ýok eder. 39 Üzüm agaçlaryny ekip, olara seredersiňiz. Emma onuň ne hasylyny ýygnarsyňyz, ne-de şerabyndan içersiňiz, çünki ony gurçuk iýer. 40 Siziň tutuş ýurduňyzda zeýtun agaçlary gögerer, emma siz özüňize zeýtun ýagyny guýmarsyňyz, çünki onuň miwesi ýere döküler. 41 Ogullaryňyz we gyzlaryňyz bolar, emma siz olary ýitirersiňiz, çünki olar ýesir edilip äkidiler. 42 Ähli agaçlaryňyzyň we ekin meýdanlaryňyzyň hasylyny çekirtgeler iýip gider. 43 Araňyzda ýaşaýan gelmişekler sizden has ýokary göteriler, siz bolsa kem-kemden pese düşersiňiz. 44 Olar size karz bererler, emma siz olara karz berip bilmersiňiz. Olar başda bolarlar, siz bolsa aýakda galarsyňyz.

45 Şu näletleriň ählisi size siňip, tä ýok bolýançaňyz, sizi gurşap alar. Sebäbi siz Hudaýyňyz Rebbe boýun egmän, bu gün Onuň size meniň üstüm bilen berýän tabşyryklaryny we parzlaryny ýerine ýetirmediňiz. 46 Bu külpetler siziň we nesilleriňiziň arasynda başga halklar üçin hemişelik alamat we mugjyza bolsun. 47 Sebäbi siz ähli zadyň bereketli bolmagy üçin Hudaýyňyz Rebbe şadyýanlyk we joşgunly ýürek bilen gulluk etmediňiz. 48 Şonuň üçin hem siz aç-suwsuz, ýalaňaç we hemme zada zar bolup, Reb tarapyndan siziň garşyňyza iberilen duşmanyňyza gulluk edersiňiz. Reb sizi tä ýok edip taşlaýança, boýnuňyzdan demir boýuntyryk asyp, sizi ezer. 49 Reb uzak ýerden, ýeriň aňrujundan size olaryň diline düşünmeýän bir halkyňyzy getirer. Bu halk sizi bürgüt kimin ýuwudar. 50 Şol ýüzi hyrsyz halk ýaşy-garryny sylamaz, rehim-şepagat etmez. 51 Siz ýok bolup gidýänçäňiz, olar mal-garalaryňyzy, ýeriňiziň hasylyny iýerler. Siz heläk bolýançaňyz, siziň ne dänäňiz, ne şerabyňyz, ne ýagyňyz, ne-de sygyrlaryňyzdyr dowarlaryňyz galar. 52 Olar Hudaýyňyz Rebbiň size beren ýerine gelip, siziň bil baglan ähli beýik we berk diwarly galalaryňyzy gabawa salarlar. 53 Duşmanyňyz siziň daşyňyzy gabap, çykgynsyz ýagdaýa salanda, siz açlykdan ýaňa öz bagryňyzdan önen perzentleriňizi – Hudaýyňyz Reb tarapyndan berlen ogul-gyzlaryňyzyň etini iýersiňiz. 54 Araňyzdaky iň mylaýym we eli açyk adam barja iýmitini öz doganyndan, söýgüli aýalyndan, diri galan çagalaryndan gysganar. 55 Ol çagalarynyň etinden olaryň hijisine bermez, sebäbi duşman ähli galalaryňyzy gabap, sizi çykgynsyz ýagdaýa salanda, olara iýmäge hiç zat galmaz. 56 Araňyzdaky sahy we näzik aýal, öz sahylygyndan we näzikliginden ýaňa aýagyny ýere basmaýan zenan naharyny öz mähriban adamsyndan, ogul-gyzyndan gysganar. 57 Duşmanyňyz galalaryňyzy gabap, sizi çykgynsyz ýagdaýa salanda, şol aýal dogranyndan soň, hatda satanynyň arasyndan çykan çagasynyň ýoldaşyny gysganyp, öz dogran çagalaryny hem açlykdan ýaňa ogrynça iýer.

58 Beýik we haýbatly Hudaýyňyz Rebden gorkup, bu kitapda ýazylan bu Kanunyň ähli sözlerini yhlas bilen ýerine ýetirmeseňiz, 59 onda Reb sizi we siziň nesilleriňizi elhenç belalara, agyr we yzy üzülmeýän jebirlere, emi ýok kesellere duçar eder. 60 Ol siziň Müsürde wagtyňyz

sizi gorkuzan ähli keselleriňizi siziň ba-
şyňyzdan inderer. Ol keseller size ornaşyp
galar. 61 Hatda şu Kanun kitabynda ýazyl-
madyk beýleki ähli ýokanç keselleri we
dertleri, tä siziň baryňyz gyrylýançaňyz,
Reb siziň başyňyzdan inderer. 62 Siz as-
man ýyldyzlary ýaly köpdüňiz, emma
siz az bolup galarsyňyz, sebäbi siz Hu-
daýyňyz Rebbe boýun egmediňiz. 63 Reb
size ýagşylyk edip, siziň sanyňyzy köpel-
dende, näçe lezzet alan bolsa, sizi gyryp
ýok edende hem şonça lezzet alar. Mülk
edinmek üçin baran ýeriňizden siz sog-
rulyp taşlanarsyňyz. 64 Reb sizi ýeriň bir
ujundan beýleki ujuna çenli ähli halkla-
ryň arasyna dargadyp goýberer. Ol ýerde
siz özüňiziň-de, ata-babalaryňyzyň-da ta-
namadyk we bilmedik agaçdan we daşdan
ýasalan başga hudaýlara gulluk edersiňiz.
65 Ol halklaryň arasynda siz janyňyza
aram tapmarsyňyz we aýagyňyzyň dyn-
jyny almaga ýer tapylmaz. Ol ýerde Reb
size bükgüldeýän ýürek, kütelen gözler
we synan göwün berer. 66 Janyňyz suw
üstünde bolar. Siz gije-gündiz gorkuda
bolup, sizde ýaşaýşa hiç hili umyt bolmaz.
67 Ýüregiňizi gaplajak gorky we gözüňi-
ziň görjek zatlary sebäpli, ertirlerine siz:
„Wah, tizräk agşam düşsedi!“ diýersiňiz,
agşamyna bolsa: „Wah, tizräk daň atsady!“
diýersiňiz. 68 Siziň indi gaýdyp görmejek-
digiňize söz beren ýolumdan, Reb sizi
gämiler bilen ýene-de yzyňyza Müsüre
alyp gider. Ol ýerde siz özüňizi gul we
gyrnak edip duşmanlaryňyza satuwa hö-
dürlärsiňiz, emma sizi satyn alan bolmaz».

## 29-njy bap

### *Reb Mowapda ysraýyllar bilen äht edýär*

1 Ine, Horepde edilen ähtden daşary,
Rebbiň Musa Mowapda ysraýyllar bilen
baglaşmagy buýran ähtiniň şertleri şu-
lardyr. 2 Musa ähli ysraýyllary ýygnap,
olara şeýle diýdi: «Siz Rebbiň gözüňi-
ziň alnynda Müsüre, faraona, onuň ähli
emeldarlaryna we tutuş ýurduna näme
edendiginiň hemmesini gördüňiz. 3 Siz
bu gudratly synaglary, alamatlary we
beýik mugjyzalary öz gözüňiz bilen
gördüňiz. 4 Emma şu güne çenli Reb size
düşünmegiňiz üçin akyl, görmegiňiz
üçin göz, eşitmegiňiz üçin gulak ber-
medi. 5 Reb: „Men sizi kyrk ýyllap çölde
aýladym. Egniňize geýen eşigiňiz ýyr-
tylmady, aýagyňyza geýen çarygyňyz
könelmedi. 6 Siz çörek iýmediňiz, şerap,
çakyr içmediňiz. Men muny Hudaýyňyz
Rebbiň Mendigimi biliň diýip etdim“
diýdi. 7 Bu ýere geleniňizde, Heşbonyň
hany Sihon we Başan ýurdunyň hany
Og biziň garşymyza söweşe çykdylar,
emma biz olary derbi-dagyn etdik. 8 Biz
olaryň ýerini alyp, rubenlere, gatlara we
manaşa tiresiniň ýarysyna mülk edip
berdik. 9 Şonuň üçin hem, edýän her
bir işiňizde üstünlik gazanar ýaly, bu
ähtiň şertlerini yhlas bilen ýerine ýetiriň.
10-11 Bu gün tire baştutanlaryňyz,
ýaşulularyňyz, ýolbaşçylaryňyz, Ysra-
ýylyň ähli erkekleri, siziň çagalaryňyz,
aýallaryňyz, araňyzda ýaşaýan gelmi-
şekler, odunyňyzy çapýanlar, suwuňyzy
daşaýanlar – ähliňiz bu ýere üýşüp, Hu-
daýyňyz Rebbiň huzurynda dursuňyz.
12 Bu gün Hudaýyňyz Rebbiň siziň bilen
baglaşýan ähtine ant içip girişersiňiz.
13 Çünki Ol size we ata-babalaryňyz
Ybraýyma, Yshaga we Ýakuba söz berşi
ýaly, bu gün Ol sizi Öz halky edip alar
we Hudaýyňyz bolar. 14-15 Hudaýymyz
Reb bu gün biziň ýanymyzda – Öz hu-
zurynda duranlar bilen däl-de, eýsem
bolmadyklar bilenem wada edip äht
baglaşýar.

16 Müsürde nähili ýaşandygymyzy,
dürli halklaryň arasyndan ötüp-geçip,
bu ýere nä günlük bilen gelendigimizi
bilýänsiňiz. 17 Siz olaryň arasynda agaç-
dan, daşdan, altyndan we kümüşden
ýasalan nejis butlary gördüňiz. 18 Ägä bo-
luň, bu gün siziň araňyzda Hudaýymyz
Rebden ýüregi sowaşyp, şol halklaryň
hudaýlaryna gulluk edýän erkek ýa aýal,
maşgala ýa-da tire bolmasyn. Araňyzda
şeýle adamlaryň bolmagy, ajy we zäher-
li ösümligiň köki ýalydyr. 19 Bu edilen
wadany eşiden her biriňiz öz-özüňizi
öwmäň we ýüregiňizde: „Biz tekep-
birlik ýolumyzdan gitsek hem aman
galarys“ diýip pikir etmäň. (Şeýle pikir
ýagşynyň-da, ýamanyň-da başyna bela
getirer.) 20 Reb şeýle tekepbir adamla-
ry bagyşlamaz. Çünki Rebbiň gahary
we gazap ody olara garşy tutaşar. Bu
kitapda ýazylan ähli näletler olaryň
başyndan iner we Reb olaryň adyny
asmanyň astyndan öçürip taşlar. 21 Bu
Kanun kitabynda ýazylan ähtiň ähli
näletleri boýunça, olar betbagtçylyga
duçar bolar ýaly, Reb olary Ysraýylyň
ähli tireleriniň arasyndan aýratyn goýar.

22 Sizden soňky nesiller, siziň çagala-
ryňyz, şeýle hem uzak ýurtdan geljek
kesekiler bu ýurtda bolýan weýrançy-
lyklary, siziň üstüňizden Rebbiň lagnat
inderişini görüp: 23 „Kükürt! Duz! Tutuş
ýurt ýanýar! Hiç zat ekilmez, hiç zat
gögermez, gaýdyp hiç hili ösümlik ös-
mez. Reb gazap atyna atlanyp, Sodom,
Gomora, Adma we Seboýym galalaryny
ýok edişi ýaly ýykyp-ýumurdy!“ diýerler.
24 Ähli milletler: „Reb bu ýurdy näme
üçin beýle etdikä? Bu gahar-gazabyň
sebäbi nämekä?“ diýşip geň galarlar.
25 Olar şeýle netijä gelerler: „Munuň
sebäbi şudur: ysraýyllar özlerini Mü-
sürden çykaryp getiren ata-babalarynyň
Hudaýy Reb bilen baglaşan ähtini ret
etdiler. 26 Olar Rebden ýüz öwrüp, başga
hudaýlara gulluk etdiler. Özleriniň ta-
namaýan we Rebbiň olara sežde etmäge
ygtyýar bermedik hudaýlaryna sežde
etdiler. 27 Şonuň üçin hem Rebbiň bu
ýurda gahary gelip, bu kitapda ýazylan
ähli näletleri bu ýurduň üstünden ýag-
dyrdy. 28 Reb olary güýçli gahar bilen,
gazap atyna atlanyp, öz ýurtlaryndan
kowup çykaryp, şu günki görşüňiz ýaly,
başga ýurda äkidip taşlady“.

29 Gizlin syrlar Hudaýymyz Rebbe
degişlidir. Emma bu Kanunyň ähli söz-
lerini ýerine ýetirmek üçin aýan edilen
zatlar ebedilik bize we biziň çagalary-
myza degişlidir.

## 30-njy bap

### *Täzeden dikeltme we ýalkanyş*

1 Men siziň öňüňizde alkyşlar we nälet-
ler goýdum. Olar siziň başyňyza düşende,
siz Hudaýyňyz Rebbiň sizi dargadyp
goýberen milletleriniň arasyndakaňyz,
bu ýalkanyşlary we näletleri ýadyňyza
salsaňyz 2 we Hudaýyňyz Rebbe dola-
nyp, meniň bu günki size tabşyryşym
ýaly, özüňiz hem, çagalaryňyz hem
tutuş ýüregiňiz bilen jan-tenden Oňa
gulak assaňyz, 3 diňe şonda Hudaýy-
ňyz Reb size öňki abadançylygyňyzy
gaýtaryp berer we rehim-şepagat eder.
Hudaýyňyz Reb sizi dargadyp goýbe-
ren başga halklarynyň içinden ýene-de
yzyňyza ýygnar. 4 Hatda siz dünýäniň
ol çetine sürgün edilen hem bolsaňyz,
Hudaýyňyz Reb sizi ol ýerden ýygnap,
yzyňyza getirer. 5 Hudaýyňyz Reb sizi
ata-babalaryňyzyň mülk ýerine elter. Siz
ol ýeri eýelärsiňiz. Ol ata-babalaryňy-
za garanda, size has köp bereket berip,
sanyňyzy has-da artdyrar. 6 Hudaýyňyz

Reb Özüne boýun egdirmek üçin siziň
ýüregiňizi we nesilleriňiziň ýüregini
üýtgeder, şonda siz Hudaýyňyz Rebbi
tutuş ýüregiňiz bilen jan-tenden söýüp
ýaşarsyňyz. 7 Hudaýyňyz Reb bu ähli lag-
natlary duşmanlaryňyza we size zulum
eden garşydaşlaryňyzyň üstüne ýagdy-
rar. 8 Şondan soň siz ýene-de Rebbe gulak
asarsyňyz, Onuň bu günki meniň üstüm
bilen berýän ähli buýruklaryny ýerine
ýetirersiňiz. 9-10 Eger siz Hudaýyňyz
Rebbe gulak asyp, şu Kanun kitabynda
ýazylan Onuň tabşyryklarydyr parzla-
ryny berjaý etseňiz, Hudaýyňyz Rebbe
tutuş ýüregiňiz we janyňyz-teniňiz bilen
dolansaňyz, Hudaýyňyz Reb her bir etjek
işiňize bereket berer, ogul-gyzyňyz köp
bolar, mal-garalaryňyzyň sany artyp,
ýeriňiziň hasyly bol bolar. Çünki Reb
ata-babalaryňyza ýagşylyk edeninde
lezzet alşy ýaly, size ýagşylyk edeninde
hem lezzet alar.

### *Ýaşaýşy saýlamaga çagyryş*

11 Hakykatdan-da, Onuň bu günki me-
niň üstüm bilen berýän buýrugy siziň
üçin kyn däl ýa-da el ýetmez ýaly gaty
uzakda däl. 12 „Biz ony eşidip, ýerine
ýetirer ýaly, kim biziň üçin göge çykyp,
ony bize getirip berer?“ diýmezligiňiz
üçin, ol gökde däldir. 13 Ýa-da siziň: „Biz
ony eşidip, ýerine ýetirer ýaly, kim biziň
üçin deňziň aňry tarapyna geçip, ony bi-
ze getirip berer?“ diýmezligiňiz üçin, ol
deňziň aňyrsynda däldir. 14 Ýok, bu sözler
size juda ýakyndyr. Ýerine ýetirmegiňiz
üçin bu siziň agzyňyzda we ýüregiňiz-
dedir. 15 Ine, bu gün men siziň öňüňizde
ýaşaýyş we ýagşylyk, ölüm we ýamanlyk
goýýaryn. 16 Meniň bu gün tabşyryşym
ýaly, Hudaýyňyz Rebbi söýüp, Onuň ýo-
lundan ýöreseňiz, Onuň tabşyryklaryny,
parzlarydyr hökümlerini berjaý etseňiz,
onda siz ýaşarsyňyz we köpelersiňiz.
Mülk edinmek üçin baran ýeriňizde
Hudaýyňyz Reb sizi ýalkar. 17 Emma
ýüregiňiz Ondan dönüp, gulak asman
ýoldan çykyp, başga hudaýlara sygynyp
gulluk etseňiz, 18 onda tutuşlaýyn heläk
boljakdygyňyzy bu gün size jar edýärin.
Iordan derýasyndan geçip, mülk edinjek
ýeriňizde uzak ýaşamarsyňyz. 19 Bu gün
siziň öňüňizde ýaşaýyş we ölüm, alkyş
we nälet goýandygyma size garşy şaýat
bolmaga asmany we ýeri çagyrýaryn.
Ýaşaýşy saýlaň, şonda siziň özüňiz hem
ýaşarsyňyz, nesilleriňiz-de ýaşar. 20 Hu-
daýyňyz Rebbi söýüň, Oňa gulak asyň
we Oňa bil baglaň, çünki ýaşaýşyňy-
zyň we ömrüňiziň uzaklygy Ondadyr.
Bu Rebbiň ata-babalaryňyz Ybraýyma,
Yshaga, Ýakuba bermegi wada eden
ýurdunda ýaşamagyňyz üçindir».

## 31-nji bap

### *Ýeşuwa Musanyň orunbasary saýlanýar*

1 Musa ähli ysraýyl halkynyň öňünde
sözüni soňlap, şeýle diýdi: 2 «Men häzir
bir ýüz ýigrimi ýaşymda. Mundan beý-
läk men baştutan bolup biljek däl. Reb
maňa: „Sen Iordandan aňry geçmersiň“
diýdi. 3 Hudaýyňyz Rebbiň Özi siziň
öňüňizden geçer. Ol ähli halklary siziň
öňüňizden ýok eder we siz olaryň ýerini
mülk edinersiňiz. Rebbiň söz berşi ýaly,
Ýeşuwa size baş bolup, derýadan geçer.
4 Reb amorlaryň hany Sihon bilen Ogy
öldürip, olaryň ýurduny weýran edişi
ýaly, bu halklary hem şeýle eder. 5 Reb
olary size tabşyrar, siz hem olary meniň
buýruşym ýaly edersiňiz. 6 Dözümli we
mert boluň! Olardan gorkmaň, dowla
düşmäň, sebäbi siziň bilen gitjek hut
Hudaýyňyz Rebbiň Özüdir. Ol sizi hiç

wagt ýeke taşlamaz, terk etmez». 7 Soňra Musa Ýeşuwany çagyryp, ähli ysraýyllaryň gözüniň alnynda şeýle diýdi: «Dözümli we mert bol, çünki Rebbiň ata-babalaryňyza wada eden ýurduna bu halk bilen gitjek ýeke-täk sensiň. Bu ýurdy olara mülk edip paýlap berjek hem diňe sensiň! 8 Rebbiň Özi seniň öňüňden gider. Ol seniň bilen bolar. Ol seni hiç wagt ýeke taşlamaz, terk etmez. Gorkma we dowla düşme!»

### *Kanun kitabyny unutmazlyk hakda*

9 Soňra Musa şu Kanuny ýazyp, ony Rebbiň Äht sandygyny göterýän lewi ruhanylaryna we Ysraýylyň ähli ýaşulularyna berdi. 10 Musa olara şeýle buýruk berdi: «Her ýedinji ýylyň – karzlaryň geçilýän ýylynyň ahyrynda, Çatma baýramynda, 11 ähli ysraýyllar Hudaýyňyz Rebbiň huzuryna, Onuň Öz saýlajak ýerine gelenlerinde, siz şu Kanuny ähli ysraýyllara eşitdirip okaň. 12 Ähli halky: erkekleri, aýallary, çagalary, şeýle hem galalaryňyzda ýaşaýan gelmişekleri ýygnaň. Olar bu barada eşidenlerinde, Hudaýyňyz Rebden gorkup, bu Kanunyň ähli sözlerini yhlas bilen ýerine ýetirmegi öwrensinler. 13 Olaryň bu Kanuny bilmeýän çagalary hem Iordan derýasynyň aňyrsyndaky mülk ýerlerinde ýaşanlarynda muny eşidip, Hudaýyňyz Rebden gorkmagy öwrensinler».

14 Reb Musa: «Seniň ölmeli wagtyň golaýlaşdy. Ýeşuwany çagyr-da, ikiňiz hem Maňa ýüz tutulýan çadyra baryň, Men oňa buýruklarymy mälim etjek» diýdi. Şeýlelikde, Musa bilen Ýeşuwa ikisi Rebbe ýüz tutulýan çadyra bardylar. 15 Reb çadyrda bulut sütüni görnüşinde peýda boldy. Bulut sütüni çadyryň girelgesinde durdy. 16 Reb Musa şeýle diýdi: «Tizara sen ölüp, ata-babalaryňa gowşarsyň. Şondan soň bu halk barýan ýerindäki keseki halklaryň hudaýlaryna sežde etmek bilen zyna ederler. Olar Meniň bilen eden ähtini bozup, Meni terk ederler. 17 Şol gün Meniň gahar-gazabym olaryň üstünden iner. Men olary terk edip, olardan ýüz öwrerin. Olar şobada heläk bolarlar, olaryň üstünden köp bela-beterler iner. Şol gün olar: „Aramyzda Hudaýymyzyň ýokdugy sebäpli, bu bela-beterler biziň üstümizden indimikä?“ diýerler. 18 Olaryň başga hudaýlara tarap öwrülip, eden ähli erbetlikleri üçin, şol gün Men olardan hökman ýüz öwrerin.

19 Şonuň üçin hem indi bu aýdymy ýazyp alyň we ysraýyllara öwrediň, olar okasynlar. Şonda bu aýdym Maňa ysraýyllaryň garşysyna şaýat bolar. 20 Çünki Men olary ata-babalaryna wada eden ýurduma – süýt we bal akýan ýurda getirenimde, olar iýip-içip, garynlary dok bolup mesirgäp, başga hudaýlara sygynyp, olara gulluk ederler. Meni ýigrenip, Meniň ähtimi bozarlar. 21 Başlaryna ençeme agyr külpetler inende, olaryň nesilleri bu aýdymy dillerinden düşürmezler, şonda bu aýdym olara şaýatlyk eder. Çünki Men wada beren ýurduma olary getirmezden öň hem, hatda häzir hem olaryň nähili pikirdediklerini öňünden bilýärin». 22 Edil şol gün Musa bu aýdymy ýazyp, ysraýyllara öwretdi. 23 Soňra Reb Nunuň ogly Ýeşuwanyň etmeli işlerini tabşyrdy we oňa: «Dözümli we mert bol, çünki ysraýyllary Meniň söz beren ýurduma getirjek sensiň. Men seniň bilen bolaryn!» diýdi.

24 Musa bu Kanuny onuň iň soňky sözüne çenli kitaba ýazyp gutardy 25 we Rebbiň Äht sandygyny göterýän lewilere şeýle buýruk berdi: 26 «Bu Kanun kitabyny alyp, Hudaýyňyz Rebbiň Äht sandygynyň ýanynda goýuň. Goý, ol şol ýerde size garşy

şaýat bolup galsyn. 27 Çünki men siziň
nähili başbozar we boýnuýogyn halkdy-
gyňyzy gowy bilýärin. Men entek dirikäm,
siz Rebbe garşy pitne turuzýarsyňyz,
ölenimden soň, siz, gör, näçe gezek pitne
turzarsyňyz! 28 Tireleriňiziň ähli ýaşulula-
ryny we baştutanlaryňyzy meniň ýanyma
ýygnaň. Men bu sözleri olara eşitdirip aýt-
jak. Goý, asman bilen ýer olara garşy şaýat
bolsun. 29 Çünki ölenimden soňra, meniň
size buýran ýolumdan çykyp, büs-bütin
azgynçylyga baş urjakdygyňyzy men
bilýärin. Ahyrky günlerde başyňyzdan
bela-beter iner, sebäbi siz Rebbiň naza-
rynda pis iş edip, öz etmişleriňiz sebäpli
Onuň gaharyny getirersiňiz».

30 Soňra Musa bu aýdymyň sözlerini
tutuş Ysraýyl jemagatyna eşitdirip, iň
soňky sözüne çenli okady.

## 32-nji bap

### *Musanyň aýdymy*

1 «Eý, asman, gulak goý, Men
sözläýin.
Eý, zemin, aýdýanlarymy eşit.
2 Taglymatym ýagyş deý ýagsyn,
sözlerim çyg deý düşsün.
Ýagsyn ot üstüne çisňeýän
ýagmyr deý,
maýsalaryň üstüne inýän çabga
deý!
3 Çünki Rebbiň adyny jar ederin.
Beýikdigi üçin Hudaýymyzy
öwüň!
4 Ol Gaýadyr, işleri kämildir,
bütin ýollary hakdyr.
Wadasynda durýan Hudaýdyr.
Dogry hem adyldyr.
5 Bu azgyn hem ters nesil Oňa
hyýanat etdi.
Ýazygyňyz sebäpli indi siz
Onuň çagalary dälsiňiz.
6 Eý, akmak hem nadan halk,
şumy Rebbe jogabyňyz?
Sizi ýaradyp, berkarar eden,
Ol – Atamyz dälmi?
7 Öten günleri ýada salyň,
geçen nesillere nazar aýlaň.
Atañyzdan soraň, aýdyp bersin,
ýaşulularyňyz gürrüň bersin.
8 Mülk paýlanda özge halklara,
olary aýry-aýry bölüp çykanda,
çäk çekdi olara Beýik Hudaý,
ylahy barlyklaryň [a] sanyna görä.
9 Öz halkydyr Rebbiň paýy,
öz paýy üçin Ýakuby miras aldy
Ol.
10 Ol Ýakuby gurak bir ýurtdan
tapdy,
güwläp ýatan çölden tapdy.
Onuň gaýgy-aladasyny etdi,
gözüniň göreji deý gorap
saklady.
11 Çagalarynyň üstüne ganat gerýän
bürgüt deý,
höwürtgesinden olara uçmagy
öwretdi.
Ganatyny gerip, olary tutdy,
ganaty bilen olary daşady.
12 Oňa ýol görkezen ýeke-täk Reb
boldy,
onuň bilen bolmady keseki
hudaý.
13 Reb ony ýer ýüzüniň
belentliginde gezdirdi,
meýdan önümi bilen naharlady.
Gaýadan akan bal bilen,
çakmak daşdan çykan zeýtun
ýagy bilen bakdy.
14 Sygyr ýagydyr goýnuň süýdi bilen,
semiz goç-guzular bilen,

[a] **32:8** ***Ylahy barlyklaryň*** – käbir golýazmalarda *ysraýyllaryň*.

Başan ýurduň öküzleridir erkeji
bilen,
iň saýlama bugdaý bilen bakdy.
Üzümden edilen gyrmyzy
şerapdan içirdi.
15 Ýöne Ýeşurun[a] semredi,
depmäge başlady.
Garnyny ýag alyp agyrlaşdy.
Özüni ýaradan Hudaýyndan ýüz
öwürdi,
ret etdi Halasgär Gaýasyny.
16 Keseki hudaýlar bilen Ony
gabandyrdylar,
nejis zatlar bilen gaharyny
getirdiler.
17 Olar Hudaýa däl-de, jynlara,
tanamaýan hudaýlaryna,
ata-babalarynyň gorkmadyk
hudaýlaryna,
ýaňy peýda bolan hudaýlara
gurban kesdiler.
18 Sen özüňi ýaradan Gaýany
unutdyň,
dünýä inderen Hudaýy ýatdan
çykardyň.
19 Muny gören Rebbiň olara gahary
geldi,
olaryň ogul-gyzlaryny ret etdi.
20 Ol diýdi: „Gizläýin olardan
ýüzümi,
soňuny göreýin olaryň.
Çünki biderek nesildir olar,
biwepa perzentlerdir.
21 Olar hudaý bolmadyklar bilen
Meni gabandyrdylar,
boş butlar bilen gaharymy
getirdiler.
Men hem millet bolmadyklar
bilen olary gabandyraryn,
akmak bir halk bilen olaryň
gaharyny getirerin.
22 Çünki ot bolup tutaşar Meniň
gazabym,
ölüler dünýäsiniň düýbüne çenli
ýanar.
Ýeri nygmatlary bilen bile
ýuwudar ol ot,
daglaryň binýadyny ýakyp kül
eder.
23 Başlaryna belalar indererin,
oklarymy olara garşy ataryn.
24 Gowrup barýan gytlyk,
ýakýan hassalyk,
gyrgyn ýok eder olary.
Iberýän ýyrtyjy haýwanlarym
olara agyz salar,
ýerde süýrenýän ýylanlar
zäherin pürker.
25 Ýigit ýa-da gyz bolsun,
emýän körpe ýa çal goja, parhy
ýok,
daşarda gylyç heläk eder,
içerde olary gorky öldürer.
26 Ynsanlar arasyndan olary
dagatmakdy,
olar hakdaky ýatlamany öçürip
taşlamakdy pikirim.
27 Emma duşmanyň öjükmeginden
çekindim,
çünki duşman ýalňyş
düşünmesin,
‘Bulary eden Reb däl eken,
biziň elimiz rüstem eken’
diýmesin.
28 Ysraýyl bir akylsyz halkdyr,
olarda hiç hili düşünje ýokdur.
29 Dana bolsadylar, muňa
düşünerdiler,
soňunyň näme boljagyny
öňünden aňardylar.
30 Ysraýyly Gaýasy satmadyk bolsa,
Reb olary ele bermedik bolsa,

[a] **32:15** ***Ýeşurun*** – bu Ysraýylyň beýleki ady.

nädip bir duşman olaň müňüsini
kowar,
iki kişi on müňüsini gaçyrar?
31 Çünki biziň Gaýamyz ýaly däl
olaň gaýasy,
duşmanymyzyň özi hem bilýär
muny.
32 Duşmanyň üzüm çybygy Sodom
çybygyndan,
Gomora baglaryndandyr.
Üzümleri zäher-zakgun,
salkymlary ajydyr.
33 Şeraplary ýylan zäheridir,
kepjebaşyň öldürýän awusydyr.
34 Meniň ýanymda saklanmaýarmy
bular,
hazynalarymda möhürlenen
dälmi näme?
35 Öç Meniňkidir, jezalandyrjak
Mendirin,
çünki aýaklarynyň taýýan
wagty geler.
Duşmanlaryň heläk boljak güni
ýakyndyr,
jeza güni gaty golaýdyr“.
36 Şeýdip, Öz halkyny Reb aklar,
Ol gulda hem, erkinde hem
ysgyn-mydar ýokdugyny görende,
Öz bendelerine rehim-şepagat
eder.
37 Soňra Ol diýer: „Hany, bularyň
hudaýlary nirede?
Hany olaryň bil baglan gaýasy?
38 Gurbanlyklaryň ýagyny iýen,
guýlan şeraplaryny içen
şol hudaýlaryňyz nirede?
Goý, turup, size kömek etsin olar,
bolsunlar-da siziň penakäriňiz!
39 Indi görüň, ýeke-täk Hudaý
Mendirin.
Menden başga hudaý ýokdur!
Öldürýän-de Mendirin,
direldýän-de.
Ýaralaýan-da Mendirin,
sagaldýan-da,
gutuljak ýokdur Meniň elimden.
40 Elimi göge galdyryp,
ant içýärin: Men ebedi diri!
41 Men lowurdaýan gylyjymy
çarhlap,
höküm etmek üçin elime alsam,
duşmanlarymdan ar alaryn,
Meni ýigrenýänleň jezasyny
bererin.
42 Ölenleriň hem ýesirleriň
ganyndan,
uzyn saçly duşmanlaryň
ganyndan
oklarymy serhoş ederin,
gylyjymy etden doýraryn“.
43 Onuň halky bilen şatlanyň, eý,
halklar!
Çünki Ol gullarynyň ganynyň
öjüni alar.
Duşmanlaryndan aryny alar,
Öz halkynyň ýurduny päklär,
olary günäsinden saplar».
44 Musa Ýeşuwa bilen gelip, bu aýdymyň
ähli sözlerini halka eşitdirip okap berdi.
45 Musa bu sözleri tutuş Ysraýyla okap
berenden soň, 46 olara şeýle diýdi: «Bu
günki meniň size aýdan sözlerimiň äh-
lisini ýüregiňizde saklaň. Çagalaryňyza
buýruň, goý, olar bu Kanunyň ähli sözle-
rini yhlas bilen ýerine ýetirsinler. 47 Bular
siziň üçin boş sözler däl-de, eýsem siziň
durmuşyňyzdyr. Iordandan geçip, mülk
edinjek ýurduňyzda şu aýdylanlar bilen
siz uzak ömür sürersiňiz».

### *Musa Kengan ýurduny görýär*

48 Reb şol gün Musa şeýle diýdi:
49 «Mowap ýurdundaky Ýerihonyň gar-
şysyndaky Abarym daglarynyň biri
bolan Nebo dagyna çyk. Ysraýyllara
mülk edilip beriljek Kengan ýurduny

gör. [50] Agaň Harunyň Hor dagynda ölüp,
öz halkyna gowşuşy ýaly, sen hem şol
çykan dagyňda ölüp, ata-babalaryňa
gowşarsyň. [51] Çünki ikiňiz hem Sin
çölünde, Kadeş galasynyň golaýyndaky
Meriba çeşmesinde, ysraýyllaryň öňün-
de Maňa dönüklik etdiňiz. Ysraýyllaryň
arasynda siz Meniň mukaddesligimi
ykrar etmediňiz. [52] Şonuň üçin hem,
ol ýeri sen diňe uzakdan görersiň, ýö-
ne Meniň ysraýyllara berjek ýerime
girmersiň».

### 33-nji bap

### *Musa Ysraýyl tirelerine pata berýär*

[1] Hudaýyň adamy Musanyň ölmezin-
den öň, ysraýyllara beren patasy, ine,
şudur. [2] Ol şeýle diýdi:
«Reb Sinaý dagyndan geldi,
halkyna Segirden dogdy,
Paran dagyndan nur saçdy.
Ýanynda on müňlerçe perişde
bardy,
sag elinde lowlaýan ot bardy.
[3] Ýa Reb, Sen dogrudan-da
halkyňy [a] söýýärsiň!
Ähli perişdeler goluň astynda.
Olar aýagyňa ýykylyp,
Senden görkezme alýarlar.
[4] Ysraýyl jemagatyna miras
hökmünde
Musa bize Kanun berdi.
[5] Ysraýyl tireleri birleşende,
halk baştutanlary ýygnanda,
Reb Ýeşuruna patyşa boldy.
[6] Ruben halky az adamly bolsa-da,
goý, ýaşasyn, ölmesin!»

[7] Musa Ýahuda hakda şeýle diýdi:
«Ýa Reb, Ýahudanyň perýadyny
eşit,
ony öz halkyna getir,
onuň ellerine kuwwat ber [b],
duşmanyna garşy oňa ýardamçy
bol!»

[8] Lewi hakda şeýle diýdi:
«Ýa Reb, Tummymyňy Lewä,
Urymyňy [ç] sadyk guluňa ber.
Ony Masada [d] synadyň,
Meriba [e] çeşmesinde söweşdiň.
[9] Ol: „Ata-enem bar diýip,
olara seretmedim“ diýdi.
Doganyny tanamady,
çagalaryny unutdy.
Çünki lewiler Seniň sözüňi tutdy,
Seniň ähtiňi saklady.
[10] Seniň hökümleriňi Ýakuba,
Kanunyňy Ysraýyla öwreder.
Seniň huzuryňda hoşboý buhur,
gurbanlyk sypaňda başbitin
ýakma gurbanlygyny ýakar.
[11] Ýa Reb, olara kuwwat ber,
elleriniň işini kabul et.
Kim olara hüjüm edip ýigrense,
bilini omur, gaýdyp aýaga
galmasyn!»

[12] Benýamin hakda şeýle diýdi:
«Ol Rebbiň iň gowy görýäni,
howpsuz ýaşar,

---

[a] **33:3** ***Halkyňy*** – käbir golýazmalarda *halklaryňy.*
[b] **33:7** ***Onuň ellerine kuwwat ber*** – ýa-da *Öz elleri bilen söweşdi.*
[ç] **33:8** ***Tummym… Urym*** – Hudaýyň islegini bilmek üçin ruhanylar tarapyndan ulanylýan iki sany daş. Sözlüge seret.
[d] **33:8** ***Masa*** – bu söz *synag* diýmegi aňladýar. Seret: Msr 17:1-7.
[e] **33:8** ***Meriba*** – bu söz *dawa* diýmegi aňladýar. Seret: Msr 17:1-7.

Beýik Hudaý bütin gün onuň
üstüne ganat gerer,
ol Rebbiň dagynda mesgen
tutar».

13 Ýusup hakda şeýle diýdi:
«Reb onuň ýerine bereket bersin.
Gökden ýagýan peşgeşler bilen,
Ýer astyndaky çuň suwlar bilen,
14 Günde ýetişen saýlama hasyly
bilen,
her pasylyň iň ajap miwesi bilen,
15 gadymy daglaryň iň gowy iýmişi
bilen,
müdimi depeleriň bolçulygy
bilen,
16 ýeriň iň gymmat peşgeşi we
dolulygy bilen,
ýanýan çalyda Görneniň
merhemeti bereket bersin.
Bu bereketler öz doganlarynyň
arasyndan
saýlanyp-seçilen Ýusubyň
başyna ýagsyn.
17 Ol ilkinji doglan öküz ýaly
haýbatlydyr,
ýabany öküziňki kimindir onuň
şahlary.
Bir şahy Efraýymyň on
müňüsidir,
beýlekisi Manaşanyň müňüsidir.
Ol halklary şahlary bilen süser,
ýeriň ol ujuna çenli olary
kowar».

18 Zebulun hakda şeýle diýdi:
«Eý, Zebulun, ýola düşeniňde
şadyýan bol,
sen bolsa, Ysakar, çadyryňda
şatlan!
19 Halklary daga çagyrarlar,
ol ýerde dogry gurbanlyklar
keserler.
Deňizleriň baýlygyny,
gumda gömlen hazynany iýerler».

20 Gat hakda şeýle diýdi:
«Gatyň mülküni giňeldene alkyş
bolsun!
Gat şir kimin ýaşaýar,
goly we başy goparyp taşlaýar.
21 Ol özi üçin iň mes ýeri saýlady.
Çünki halk baştutanlarynyň
ýygnagynda
serdaryň paýy oňa berlendir.
Ysraýyl üçin Rebbiň adalatyny,
Onuň hökümini ol ýerine
ýetirdi».

22 Dan hakda şeýle diýdi:
«Dan Başandan çykan,
şiriň çagasydyr».

23 Naftaly hakda şeýle diýdi:
«Eý, sen, Rebbiň merhemeti bilen,
Onuň berekedi bilen dolan
Naftaly,
günbatary we günortany mülk
edinersiň».

24 Aşer hakda şeýle diýdi:
«Ogullaryň iň bereketlisi Aşer
bolsun!
Doganlaryň iň eý görülýäni ol
bolsun!
Aýagyny zeýtun ýagyna
batyrsyn!
25 Kiltleri demirden we bürünçden
bolsun!
Dyzynyň kuwwaty asla
gaçmasyn!»

26 «Eý, Ýeşurun, saňa kömek etmek
üçin asmandan uçýan,
bulutlar arasyndan gudrat
görkezýän,

seniň Hudaýyňa taý geljek
ýokdur.
27 Penakäriň gadymdan bar bolan
ebedi Hudaýdyr!
Seni hemişe gollarynda göterer,
garşyňdan duşmanlaryňy kowar,
olary saňa ýok etmegi buýrar.
28 Şeýdip, Ysraýyl howpsuz ýaşar,
däne we şerabyň bol ýerinde,
Ýakubyň mekany abadan bolar.
Ol ýere asmandan çyg düşer.
29 Sen nähili bagtly, eý Ysraýyl!
Seniň ýaly barmy başga?
Sen Rebbiň halas eden halkysyň!
Reb seni goraýan galkandyr,
şanly gylyçdyr!
Duşmanlaryň saňa ýaranjaňlyk
ederler,
sen olaryň arkasyndan
basarsyň».

## 34-nji bap

### *Musanyň ölümi*

1 Şundan soň, Musa Mowap düz-
lüginden Nebo dagyna, Ýerihonyň
garşysyndaky Pisga depesine çykdy.
Reb oňa şu ähli ýeri: Gilgatdan tä Dana
çenli ýerleri, 2 tutuş Naftalyny, Efraýym
we Manaşa topragyny, tutuş Ýahudadan
Günbatar deňzine çenli bolan ýerleri,
3 Negep çölüni we Ýeriho jülgesinden
Sogara çenli ýerleriň ählisini görkezdi.
Ýeriho Palma galasy diýlip hem atlandy-
rylýardy. 4 Soňra Reb Musa şeýle diýdi:
«Ine, seniň nesilleriňe bermegi Ybraýy-
ma, Yshaga we Ýakuba söz beren ýerim
şudur. Men saňa ony öz gözleriň bilen
görmäge rugsat berýärin, emma sen
ol tarapa geçmersiň». 5 Şeýdip, Rebbiň
Öz buýruşy ýaly, Rebbiň guly Musa
şol ýerde – Mowapda öldi. 6 Reb ony
Mowapda, Beýtpegoryň garşysyndaky
jülgede jaýlady. Emma şu güne çenli
onuň jaýlanan ýerini hiç kim bilmeýär.
7 Musa ýüz ýigrimi ýaşynda öldi. Onuň
gözleri kütelmändi, güýç-kuwwaty azal-
mandy. 8 Ysraýyllar Mowap düzlüginde
otuz günläp Musanyň ýasyny tutdular.
Musanyň ýas günleri sowuldy. 9 Nunuň
ogly Ýeşuwa paýhaslylyk ruhundan do-
lupdy, çünki Musa onuň üstüne ellerini
goýupdy. Rebbiň Musa buýruşy ýaly,
ysraýyllar oňa gulak asdylar.
10 Şondan soň, Ysraýyldan Musa ýaly
Reb bilen ýüzbe-ýüz görşen başga bir
pygamber çykmady. 11 Reb ony Mü-
sürde faraona, onuň ähli gullaryna we
tutuş ýurduna bir topar alamatlar we
mugjyzalar görkezmek üçin iberipdi.
12 Çünki tutuş Ysraýylyň gözüniň alnyn-
da Musa ýaly bu ähli gudratlary, beýik
we gorkunç işleri ýerine ýetiren başga
hiç kim ýokdy.

# Ýeşuwa

## Giriş

*Ýeşuwa* kitabynda ysraýyllaryň Kengan ýurduny (häzirki Ysraýyl) eýeleýşi beýan edilýär. Hudaý birwagtlar Ybraýyma bu ýurdy onuň nesline mülk edip berjekdigini wada edipdi. Şu wadanyň berjaý bolmaly wagty ýetip gelende, ysraýyllar Müsürden çykyp gaýdýarlar. Emma olar Kengana ýetmezlerinden öň öz boýnuýogynlyklary zerarly 40 ýyllap Arap ýarym adasyndaky çölde sergezdan gezmeli bolýarlar. Şol döwürde olara Musa pygamber, soňra bolsa Ýeşuwa pygamber ýolbaşçylyk etdi.

Kengan mes toprakly, giň ýaýlaly, beýik dagly ýurtdy. Ysraýyllar bu ýurda ýetmek üçin, Iordan derýasyndan geçmelidiler. Derýadan geçilmeli wagty onuň suwy joşup, ähli kenarlary bilen dolup-daşýardy. Emma Äht sandygyny göterýän ruhanylar derýanyň gyrasyna gelip, aýaklaryny suwa degren badyna, derýanyň akymy togtaýar. Şeýdip, tutuş halk derýanyň guran hanasyndan onuň beýleki kenaryna geçýär. Derýanyň joşgunly suwlarynyň togtamagy Hudaýyň olar bilendigini subut edýärdi.

Kengan ýurdunda ýaşaýan halklaryň gitdigisaýy artýan günäleri Rebbi gaty gaharlandyrýardy. Şonuň üçin-de, Ol ysraýyllara bu ýurtda ýaşaýan halklary ýok edip, olaryň mal-mülklerini, emläklerini bütinleý weýran etmegi buýurýar. Ysraýyllar Hudaýyň buýrugyna tabyn bolup, olja alnan zatlaryň baryny Oňa bagyş edýärler. Şunlukda, ysraýyllar Hudaýyň kömegi bilen Kengan ýurduny eýeleýärler.

Ysraýyllar Kengany eýelänlerinden soň, ol ýerde ekin ekip, mal-garalaryny bakyp başlaýarlar. Şol döwürde ysraýyl halkyna Nun ogly Ýeşuwa ýolbaşçylyk edýärdi. Nun ogluna bu ady Musa pygamber dakypdy. Kitap onuň hatyrasyna «Ýeşuwa» diýip atlandyrylýar. Ýeşuwa adynyň manysy «Reb ýeňiş berýär» diýmegi aňladýar.

### *Mazmuny*


Kenganyň basylyp alnyşy ........ *1:1–12:24*

Ýer paýlanyşygy ........ *13:1–21:45*

  Iordan derýasynyň gündogaryndaky ýerler ........ *13:1-33*

  Iordan derýasynyň günbataryndaky ýerler ........ *14:1–19:51*

  Gaçybatalga galalary ........ *20:1-9*

  Lewilere berlen galalar ........ *21:1-45*

Gündogar tireleriniň dolanmagy ........ *22:1-34*

Ýeşuwanyň hoşlaşyk sözi................................................................. 23:1-16
Şekemde täzeden äht baglaşylmagy................................................ 24:1-33

## 1-nji bap

### *Rebbiň Ýeşuwa buýrugy*

1 Reb Özüniň guly Musa ölenden soň,
onuň kömekçisi Nun ogly Ýeşuwa şeýle
diýdi: 2 «Meniň gulum Musa öldi. Indi
Meniň ysraýyllara berýän ýerime barmak
üçin, seniň özüň hem tutuş halk Iordan
derýasyndan geçmäge taýýarlanyň. 3 Edil
Musa söz berşim ýaly, her bir aýak basjak
ýeriňizi Men size berjekdirin. 4 Günor-
tadaky çölden başlap, demirgazykdaky
Liwan daglaryna çenli, hetleriň tutuş
ülkesi, gündogardaky beýik Ýewfrat der-
ýasyndan günbatardaky Ortaýer deňzine
çenli ýerler siziňki bolar. 5 Ömrüňiň bütin
dowamynda hiç kim seniň garşyňda du-
rup bilmez. Musa bilen bolşum ýaly, Men
seniň bilen hem bile bolaryn. Senden hiç
wagt bir ädim-de daşlaşmaryn, hiç wagt
seni ýeke taşlamaryn. 6 Dözümli hem
mert bol! Meniň olaryň ata-babalaryna
ant içip, söz beren ýerimi eýelemekde
sen şu halka ýolbaşçy bolmalysyň. 7 Diňe
dözümli hem mert bol! Gulum Musanyň
özüňe tabşyran tutuş kanunyny dykgat
bilen ýerine ýetir. Nirä gitseň-de üstünlik
gazanar ýaly, olardan hiç ýana sowulma.
8 Goý, bu Kanun kitaby seniň diliňden
düşmesin. Şondaky ýazylanlaryň hem-
mesini dykgat bilen ýerine ýetirer ýaly,
ony gije-gündiz aňyňda sakla, şonda
seniň ähli işleriňde üstünlik we aba-
danlyk hemraň bolar. 9 Men saňa şeýle
buýruk berýändirin: dözümli hem mert
bol! Gorkma we dowla düşme, çünki sen
nirä gitseň-de, nirede bolsaň-da, Huda-
ýyň Reb seniň bilendir!»

### *Ýeşuwa halka buýruklar berýär*

10 Soňra Ýeşuwa halkyň ýolbaşçyla-
ryna şeýle buýruk berdi: 11 «Düşelgäniň
içinden geçiň we ilata: „Ýol üçin azyk
harajadyňyzy taýýarlaň, sebäbi siz ýene
üç günden Iordan derýasyndan geçip,
Hudaýyňyz Rebbiň özüňize berjek ýerini
eýelemäge gidersiňiz“ diýip tabşyryk
beriň».
12 Ýeşuwa ruben, gat tirelerine we
manaşa tiresiniň ýarysyna ýüzlenip
şeýle diýdi: 13 «Rebbiň guly Musanyň
aýdanlaryny ýadyňyza salyň. Ol size:
„Hudaýyňyz Reb siziň rahatlygyňyz üçin
bu topragy size berýär“ diýipdi. 14 Siziň
aýallaryňyz, çagalaryňyz we mal-garala-
ryňyz, goý, Iordan derýasynyň gündogar
tarapynda – Musanyň size beren ýerinde
galsyn. Emma araňyzdaky ähli urşujylar
ýaraglanyp, doganlaryňyzyň öňünden
derýadan geçsinler. 15 Tä Reb dogan-
laryňyza-da siziňki ýaly parahatçylyk
berýänçä we tä olar hem Hudaýyňyz
Rebbiň özlerine berýän ýerini eýele-
ýänçäler, siz olara kömek ediň. Şondan
soň siz Rebbiň guly Musanyň Iordan
derýasynyň gündogaryndaky özüňize
beren ýerine dolanyp gelip, oňa eýelik
edersiňiz».
16 Olar Ýeşuwa şeýle jogap berdiler:
«Bize buýran tabşyryklaryňyň ählisi-
ni ýerine ýetireris we nirä iberseň-de
gideris. 17 Biz edil Musa boýun egşi-
miz ýaly, saňa hem boýun egeris. Ýöne
Hudaýyň Reb elmydama Musa bilen
bolşy ýaly, seniň bilen hem bile bolsun.
18 Kimde-kim seniň sözüňe garşy çykyp,
seniň tabşyran her bir buýrugyňa boýun

bolmasa, onuň jezasy ölümdir. Diňe
dözümli hem mert bol!»

## 2-nji bap

***Rahap ysraýyl içalylaryna kömek edýär***

1 Şeýlelikde, Nunuň ogly Ýeşuwa Şitimden iki ýaş ýigidi gizlinlikde içalylyk etmäge iberip: «Baryň, ol ýurdy we Ýeriho galasyny gözden geçirip geliň» diýdi. Olar gidip, loluçylyk bilen gününi görýän Rahap atly aýalyň öýünde düşlediler we gijäni geçirmek üçin ol ýerde galdylar.

2 Ýerihonyň hanyna: «Ýurdumyzy gizlinlikde gözden geçirmek üçin, gije bu ýere birnäçe näbelli ysraýyllar gelipdir»
diýip habar berildi. 3 Şonda Ýeriho hany
Rahaba şeýle buýruk iberdi: «Öýüňe gelen adamlary biziň elimize ber! Sebäbi olar biziň tutuş ýurdumyzy gözden geçirmek üçin gelipdirler».

4 Emma bu aýal ol iki adamy öz öýünde gizläp, hanyň iberen adamlaryna: «Dogrudan-da, meniňkä adamlar geldiler, ýöne olaryň niredendiklerinden
meniň habarym ýok. 5 Olar garaňky düşüp, gala derwezesiniň ýapylýan wagty çykyp gitdiler, olaryň nirä gidendiklerini men bilemok. Haýal etmän yzlaryndan kowsaňyz, olary ele salmagyňyz mümkin» diýdi. 6 Emma Rahap ol adamlary
üçegiň ýokarsyna çykaryp, ol ýerdäki zygyr üýşmeginiň arasynda gizläpdi.
7 Kowguçylar galadan çykan badyna derwezeler ýapyldy. Olar ysraýyl içalylaryny gözläp, tä Iordan derýasynyň güzerine çenli gitdiler.

8 Bu adamlar ýatmankalar, Rahap tamyň üçegine çykyp, olaryň ýanyna geldi
9 we olara şeýle diýdi: «Rebbiň bu ýurdy size berendigini men bilýärin. Bizi gorky gurşap aldy we bu ýeriň ähli ilaty siz sebäpli dowla düşdi. 10 Müsürden
çykanyňyzda, Rebbiň siziň öňüňizde Gyzyl deňziň [a] suwuny guradandygyny biz eşitdik. Iordan derýasynyň gündogaryndaky amorlaryň Sihon hem-de Og diýen iki hanyny siziň bütinleý ýok edendigiňizden hem habarymyz bar.
11 Bulary eşidenimizde, ýüregimiz bükgüldedi, sizden gorkymyz sebäpli bizde ysgyn-mydar galmady. Siziň Hudaýyňyz Reb gökde hem, ýerde hem Hudaýdyr.
12 Şoňa görä-de, meniň size rehimdarlyk edişim ýaly, siziň hem maňa we atamyň maşgalasyna rehim etjekdigiňize öz Hudaýyňyz Rebden ant içiň. Size doly ynanar ýaly maňa bir nyşan beriň. 13 Meniň ata-enemi, erkek we aýal doganlarymy, olara degişli bolanlaryň hemmesini diri galdyrjakdygyňyza, bizi ölümden halas etjekdigiňize söz beriň».

14 Olar Rahaba: «Eger biziň işimiziň syryny açmasaň, onda, goý, janymyz size pida bolsun! Reb bu ýurdy bize beren wagtynda, biz hem size, hakykatdan-da, rehimdarlyk ederis» diýdiler.

15 Ol aýalyň öýi galanyň diwarynda ýerleşýärdi. Rahap penjireden tanap sallap, ol adamlary aşak düşürdi. 16 Onsoň
Rahap olara: «Kowguçylara duşmazyňyz ýaly daglyga tarap gidiň we olar yzyna dolanyp gelýänçäler, üç günläp ol ýerde gizleniň, soňra öz ýoluňyz bilen gidiberiň» diýdi.

17-18 Ol adamlar Rahaba şeýle diýdiler: «Eger biz bu ýurdy basyp alanymyzda, bizi aşak düşüren penjiräňe şu gyzyl ýüpi daňmasaň we kakaňy, ejeňi, doganlaryňy, atañyň ähli maşgalasyny öz öýüňe

[a] **2:10** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

ýygnamasaň, biz hem seniň içiren an-
tyňdan azatdyrys. 19Eger-de kimde-kim
seniň öýüňden daşary çyksa, ol ölümini
özünden görsün, bu biziň günämiz bol-
maz, emma seniň bilen öýüňde bolan
adama el göterilse, onda biz onuň ölümini
öz üstümize alýarys. 20Ýatdan çykarma,
eger sen biziň işimiziň syryny açaýsaň,
biz hem seniň içiren antyňdan azatdyrys».

21Rahap: «Siziň aýdyşyňyz ýaly bo-
lar» diýip, olary ugradyp goýberdi we
olar gidensoň, gyzyl ýüpi penjirä daňdy.

22Olar gidişine daglyga bardylar. Kow-
guçylar olary gözläp, ýoluň ähli ýerlerini
agtardylar, emma tapmadylar. Kowguçy-
lar yzyna dolanýançalar, olar üç günläp
daglykda boldular. 23Şeýlelikde, ol iki
adam daglykdan geçip, yzyna gaýtdy.
Olar Iordan derýasyndan geçip, Nunuň
ogly Ýeşuwanyň ýanyna geldiler we
bolan işleriň hemmesini oňa gürrüň
berdiler. 24Olar Ýeşuwa: «Dogrudan-da,
Reb tutuş ýurdy biziň elimize beripdir.
Ol ýerde ýaşaýan ähli halk biz sebäpli
dowla düşýär» diýdiler.

## 3-nji bap

### *Ysraýyllar Iordan derýasyndan geçýärler*

1Ýeşuwa we ähli ysraýyllar ir bilen
turup, Şitimden çykyp ugradylar. Iordan
derýasyndan geçmezden öňürti, olar
gijäni geçirmek üçin onuň kenarynda
düşlediler. 2Üç günden soň ýolbaşçy-
lar düşelgäniň içinden geçip, 3halka
şeýle buýruk berdiler: «Hökmürowan
Rebbiň Äht sandygyny göterýän lewi
ruhanylaryny gören badyňyza, öz dü-
şelgäňiziň daşyna çykyp, olaryň yzyna
düşüň. 4Çünki siz öň bu ýoldan ýöräp
görmändiňiz, olar size nirä gitmelidigi-
ni görkezerler. Olaryň yzy bilen ýöräň,
emma gaty golaý barmaň, olar bilen
araňyz iki müň tirsek bolsun».

5Ýeşuwa halka ýüzlenip: «Iniňizi tä-
mizläň, sebäbi ertir Reb siziň araňyzda
gudrat görkezip başlar» diýdi. 6Soň-
ra Ýeşuwa ruhanylara Äht sandygyny
eginlerine göterip, halkyň öňünden ýöre-
megi buýurdy. Olar aýdylyşy ýaly etdiler.
7Reb Ýeşuwa: «Şu gün Men seni ähli
ysraýyllaryň gözüniň alnynda beýgeltjek,
goý, olar Meniň Musa bilen bile bolşum
ýaly, seniň bilen hem bile bolýandygy-
my bilsinler. 8Äht sandygyny göterýän
ruhanylar Iordan derýasyna çala girip,
aýaklary suwa degen badyna, sen olara
durmaklygy buýur» diýdi.

9Ýeşuwa ysraýyllara ýüzlenip: «Bäri
geliň-de, öz Hudaýyňyz Rebbiň sözle-
rine gulak salyň» diýip, olary çagyrdy.
10Ol sözüni dowam edip, şeýle diý-
di: «Hudaýyňyz siziň öňüňizden şu
halklary: kenganlary, hetleri, hiwileri,
perizleri, girgaşlary, amorlary we ýa-
buslary kowup çykarjakdyr. Onuň şu
etjek işlerinden siz diri Hudaýyň öz
araňyzdadygyny bilersiňiz. 11Ine, bütin
ýer ýüzüniň Taňrysynyň Äht sandygy
siziň öňüňizden Iordan derýasyndan
geçer. 12Şunlukda, siz Ysraýylyň on iki
tiresiniň hersinden bir adamy saýlaň.
13Bütin ýer ýüzüniň Taňrysy Rebbiň
Äht sandygyny göterýän ruhanylaryň
aýaklary Iordan derýasynyň suwuna
degen badyna, ýokardan akýan suwlar
kesilip, edil diwar ýaly bolup durar».

14Şeýlelikde, adamlar çadyrlaryny
ýygnap, Iordan derýasyndan geçmek
üçin ugradylar, Äht sandygyny göterýän
ruhanylar olaryň öňlerine düşdüler. 15Şol
wagty bugdaý oragy döwri bolansoň
Iordan derýasynyň suwy joşup, ähli
kenarlary bilen dolup-daşýardy. Muňa
garamazdan, Äht sandygyny göterýän

ruhanylar derýanyň gyrasyna gelip,
aýaklaryny suwa degren badyna, 16 der-
ýanyň akymy togtady. Onsoň suwlar
olardan uzakdaky Saretanyň golaýynda
ýerleşýän Adama galasynyň deňinde
ýygnanyp, bir üýşmek bolup durdy. Şeýle
hem, Araba deňzine, ýagny Öli deňze
gelip guýýan suwlaryň akmasy bütinleý
kesildi. Adamlar derýadan Ýeriho tarap
geçdiler. 17 Rebbiň Äht sandygyny gö-
terýän ruhanylar bolsa tä ysraýyllaryň
hemmesi gury ýerden geçip gutarýan-
çalar, derýanyň hanasynyň ortasynda
durdular. Şeýdip, tutuş ysraýyl halky
gury ýerden geçdi.

### 4-nji bap

***Ýadygärlik daşlary goýulýar***

1 Tutuş halk Iordan derýasyndan geçip
bolandan soň, Reb Ýeşuwa: 2 «Halkyň
arasyndan on iki sany adam, ýagny her
tireden bir adam saýla. 3 Olara Iordan
derýasynyň ortasyndan, edil ruhany-
laryň aýagynyň duran ýerinden on iki
sany daşy getirmegi buýur. Olar şol
daşlary siziň gije düşlejek düşelgäňize
getirip goýsunlar» diýdi.
4 Soňra Ýeşuwa her tireden saýlanan
on iki adamy çagyrdy. 5 Ýeşuwa olara
şeýle diýdi: «Öz Hudaýyňyz Rebbiň
Äht sandygynyň öňünden ýöräp, Ior-
dan derýasynyň ortasyna tarap gidiň.
Ysraýyl halkynyň tire sanyna görä, her
biriňiz egniňize bir daşy göterip getiriň.
6 Bu daşlar siziň üçin ýadygärlik bolsun.
Geljekde çagalaryňyz sizden bu daşlaryň
nämäni aňladýandygyny soranlarynda,
bular size subutnama bolar. 7 Ysraýyllar
üçin Rebbiň Äht sandygynyň öňünde
Iordan derýasynyň suwunyň kesilendi-
gini, Äht sandygy göterilip getirilende,
suwlaryň yza çekilendigini olara gürrüň
beriň. Şeýlelikde, bu daşlar ysraýyllar
üçin asyrlar boýy subutnama bolar».
8 Ysraýyllar Ýeşuwanyň tabşyryşy ýaly
etdiler. Olar Rebbiň Ýeşuwa buýruşy ýa-
ly, Ysraýylyň her tiresi üçin bir daşy – on
iki sany daşy Iordan derýasynyň orta-
syndan düşelgä getirip, olary şol ýerde
goýdular. 9 Ýeşuwa hem başga on iki
sany daşy Iordan derýasynyň ortasynda,
Rebbiň Äht sandygyny göterýän ruha-
nylaryň duran ýerinde goýdy. (Ol daşlar
biziň günlerimizde hem şol ýerde dur.)
10 Ysraýyllara berjaý etmeli diýip, Reb-
biň Ýeşuwa beren hemme buýruklary
ýerine ýetýänçä, Rebbiň Äht sandygyny
göterýän ruhanylar Iordan derýasynyň
ortasynda durdular. Bu Musanyň Ýeşu-
wa diýşi ýaly boldy. Ysraýyllar derýadan
çaltlyk bilen geçdiler. 11 Olaryň hemmesi
geçip bolandan soňra Rebbiň Äht san-
dygyny göterýän ruhanylar geçdiler we
olar halka baş bolup, adamlaryň öňünden
ýörediler. 12 Rubenler, gatlar we gündo-
gardaky manaşa tiresi Musanyň aýdyşy
ýaly, ýaraglanyp ysraýyllaryň öňünden
geçdiler. 13 Güýçli urşujylaryň kyrk müňe
golaýy Rebbiň huzurynda söweşe taýýar
bolup, Ýeriho düzlügine geldiler.
14 Şol gün Reb ähli ysraýyllaryň gözü-
niň alnynda Ýeşuwany beýgeltdi. Olar
Musadan gorkuşlary ýaly, ömrüniň bütin
dowamynda Ýeşuwadan hem gorkdular.
15-16 Reb Ýeşuwa: «Äht sandygyny
göterýän ruhanylara: „Iordandan çykyň“
diýip buýruk ber» diýdi. 17 Ýeşuwa hem
buýrugy ýerine ýetirdi. 18 Rebbiň Äht
sandygyny göterýän ruhanylar suwdan
çykyp, aýaklary gury ýere degen bady-
na, Iordanyň suwy ýene-de öz hanasyna
öwrülip, öňküsi ýaly dolup-daşyp akyp
başlady.
19 Ysraýyllar Iordandan birinji aýyň
onunjy güni çykdylar we Ýeriho

galasynyň gündogar tarapyndaky
Gilgalda düşlediler. 20 Ýeşuwa olaryň Ior-
dandan alan on iki sany daşyny Gilgalda
goýdurdy. 21 Ol ysraýyllara şeýle diýdi:
«Geljekde siziň nesilleriňiz öz atalaryn-
dan bu daşlaryň nämäni aňladýandygyny
soranlarynda, 22 siz olara ysraýyl halky-
nyň Iordan derýasynyň içinden gury ýer
bilen geçendigini düşündiriň. 23 Çünki
Gyzyl deňizden geçenimizde, Huda-
ýyňyz Rebbiň biziň üçin onuň suwuny
guradyşy ýaly, siz geçýänçäňiz Iordanyň
suwuny-da guradandygyny olara aýdyň.
24 Ol muny ýer ýüzündäki ähli halklar
Rebbiň beýik gudratyny bilsin diýip etdi.
Şeýle-de Ol muny Hudaýyňyz Rebden
hemişe gorkmagyňyz üçin etdi».

### 5-nji bap

1 Iordan derýasynyň günbataryndaky
ähli amor hanlary we deňziň ýakasynda
ýaşaýan ähli kengan hanlary ysraýyllar
Iordan derýasyndan geçýänçä, Reb-
biň ony guradandygyny eşidenlerinde,
olaryň ýüregi bükgüldedi. Ysraýyllar se-
bäpli olarda hiç hili güýç-gurbat galmady.

### *Ysraýyllar Gilgalda sünnetlenýärler*

2 Şol wagt Reb Ýeşuwa: «Çakmak
daşyndan pyçaklar ýasa we öň ysraýyl-
laryň ata-babalarynyň sünnetlenişi ýaly,
bulary hem sünnetle» diýdi. 3 Şeýlelikde,
Ýeşuwa özüne aýdylyşy ýaly etdi we
sünnet edilýän ýer Gibegat Haralot [a]
diýlip atlandyryldy. 4 Ýeşuwanyň ys-
raýyllary näme üçin sünnetländiginiň
sebäbi şudur: Müsürden çykyp gaýdan,
söweş ýaşyna ýeten ähli erkekler ýöriş
edenlerinde ýolda, çölde öldüler. 5 Mü-
sürden çykan şol erkekleriň hemmesi
sünnetlenendi, emma soňra çölde doglan
oglanlar sünnetlenmedikdiler. 6 Ysraýyl
halky kyrk ýyllap çölde sergezdan gezdi.
Müsürden çykan urşujylaryň hemmesi
öldi, çünki olar Rebbiň sözüne gulak
asmandylar. Ata-babalaryna ant içip,
söz beren süýt we bal akýan ýurdy Reb
olara görkezmejekdigine kasam etdi.
7 Şol adamlaryň ogullary ösüp kemala
geldi, emma olar sünnetlenmändiler,
ine, şol sebäpli Ýeşuwa olary sünnetledi.
8 Halkyň ähli erkekleri sünnetlenenden
soň tä gutulýançalar düşelgede galdylar.
9 Soňra Reb Ýeşuwa: «Bu gün Men siz-
den Müsür gulçulyk ryswasyny aýryp
taşladym» diýdi. (Şol ýer häzirki güne
çenli hem Gilgal [b] diýlip atlandyrylýar).
10 Aýyň on dördi güni agşam ysraýyllar
Ýeriho düzlügindäki Gilgalda düşlän-
lerinde Pesah baýramyny bellediler.
11 Ertesi gün olar Kenganyň hasylyndan
birinji gezek petir we gowurga iýdiler.
12 Olar bu ýurduň önümlerinden birinji
gezek iýen gününiň ertesi mannanyň [ç]
ýagmasy galdy. Ysraýyllar şondan soň
manna ýaganyny görmediler. Olar şol
ýyl Kengan ýurdunda bitýän iýmitler-
den iýdiler.

### *Ýeşuwa we gylyçly adam*

13 Ýeşuwa Ýeriho galasyna golaý baryp,
başyny galdyryp seredende, onuň eli syr-
ma gylyçly duran bir adama gözi düşdi.
Ýeşuwa onuň ýanyna baryp: «Sen hem bi-
ziňkileriň birimiň ýa-da duşmanmysyň?»
diýip sorady. 14 Ol adam: «Hijisi hem däl.

---

[a] **5:3** ***Gibegat Haralot*** – bu söz *pürçük kesilýän baýyrlyk* diýmegi aňladýar.
[b] **5:9** Ýewreýçe *Gilgal* we *aýryp taşladym* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.
[ç] **5:12** ***Manna*** – çölde Hudaý tarapyndan ysraýyllara berlen üýtgeşik iýmit. Msr 16:15-e we sözlüge seret.

Men Rebbiň gökdäki goşunynyň serker-
desi, ýaňyja geldim» diýip jogap berdi.
Ýeşuwa ýere ýüzin düşüp sežde etdi we
oňa: «Agam, sadyk guluňa näme hyz-
mat?» diýip sorady. 15 Rebbiň goşunynyň
serkerdesi oňa: «Çarygyňy çykar, çünki
seniň duran bu ýeriň mukaddes toprak-
dyr!» diýdi. Ýeşuwa aýdylyşy ýaly etdi.

16 Şol wagty Ýerihonyň derwezele-
ri ysraýyllardan gorkýandyklary üçin
gulply goralyp saklanýardy. Hiç kim
ol ýere girip-de, çykyp-da bilmeýärdi.

## 6-njy bap

### *Ýeriho galasy ýykylýar*

1 Onsoň Reb Ýeşuwa şeýle tabşyrdy:
«Ine, Men Ýeriho galasyny we onuň
edermen urşujylary bilen birlikde onuň
hanyny seniň eliňe berýärin. 2 Ähli ur-
şujylaryň bilen alty günüň dowamynda,
günde bir gezek galanyň daşyndan aý-
lan. 3 Goý, ýedi ruhanynyň hersi goçuň
şahyndan edilen bir surnaýy alyp, Äht
sandygynyň öňünden ýöresin. Ýedinji
gün siz galanyň daşyndan ýedi gezek
aýlanyň, şol wagt ruhanylar hem sur-
naýlaryny çalsynlar. 4 Batly çalnan
surnaýlaryň seslerini eşiden badyňyza,
ähliňiz gaty sesiňiz bilen gygyryň, şonda
galanyň diwarlary ýykylar. Şol wagt ähli
adamlar galanyň içine kürsäp girsinler».

5 Ýeşuwa ruhanylary çagyryp, olara:
«Rebbiň Äht sandygyny göteriň, ýedi
sany ruhany bolsa goçuň şahyndan edilen
ýedi surnaýy göterip, Rebbiň Äht sandy-
gynyň öňünden ýöresin» diýdi. 6 Soňra
ol öz adamlaryna galanyň daşyndan
aýlanyp başlamagy we öňdäki ýaragly
goşuna Rebbiň Äht sandygynyň öňünden
ýöremekligi buýurdy.

7 Edil Ýeşuwanyň buýruşy ýaly, ýedi
ruhany Rebbiň huzurynda surnaýlaryny
çalyp, öňe ýörediler. Rebbiň Äht san-
dygyny göterýänler hem olaryň yzyna
düşdüler. 8 Ýaragly goşun surnaýlaryny
çalyp barýan ruhanylaryň öňünden gitdi
we yzky gorag goşuny Rebbiň Äht sandy-
gynyň yzyna düşdi. Tutuş şol wagt surnaý
sesleriniň yzy üzülenokdy. 9 Emma Ýe-
şuwa öz adamlaryna: «Özüm buýruk
berýänçäm, sesiňizi çykarmaň, agzyňyz-
dan bir söz hem çykmasyn, diňe aýdan
wagtym gygyryň, diňe şol wagt gygyryň»
diýdi. 10 Şeýlelikde, Ýeşuwa Rebbiň Äht
sandygyny göterdip, ähli adamlar bilen
bile galanyň daşyndan bir gezek aýlandy.
Soňra adamlar yzlaryna düşelgä dolanyp
geldiler we olar gijäni şol ýerde geçirdiler.

11 Ertesi gün Ýeşuwa ir bilen turdy we
ruhanylar Rebbiň Äht sandygyny göte-
rip ugradylar. 12 Goçuň şahyndan edilen
ýedi surnaýy göterip barýan ýedi ruhany
surnaýlaryny dynman çalyp, Rebbiň Äht
sandygynyň öňünden ýörediler. Ýaragly
goşun olaryň öňünden barýardy. Yzky
gorag goşuny Rebbiň Äht sandygynyň
yzyndan gelýärdi. 13 Olar galanyň daşyn-
dan ikinji gün hem bir gezek aýlandylar
we yzlaryna düşelgä dolanyp geldiler.
Olar şeýdip, alty gün aýlandylar.

14 Ýedinji gün olar irden turup, öňki
ýörän ýollary bilen galanyň daşyndan
ýedi gezek aýlandylar. Diňe şol gün olar
galanyň daşyndan ýedi gezek aýlandylar.
15 Ýedinji aýlawda ruhanylar surnaýlaryny
çalanlarynda, Ýeşuwa öz adamlaryna gy-
gyrmagy buýrup, şeýle diýdi: «Gygyryň!
Çünki Reb bu galany size berdi! 16 Bu
gala we ondaky ähli zatlar Rebbe aýry
goýlandygy üçin bütinleý ýok edilmeli.
Loluçylyk bilen gününi görýän Rahapdan
we onuň öýündäkilerden başga ýekeje
adam hem diri galmaly däldir, sebäbi
Rahap biziň iberen içalylarymyzy gizläp
saklady. 17 Bütinleý ýok edilmeli zatlardan

daşda duruň. Göz gyzdyryp, ol zatlardan
ýekejesini alsaňyz-da, siz Ysraýyl dü-
şelgesine weýrançylyk we betbagtçylyk
getirersiňiz. 18 Altyn-kümüşden, misden
we demirden ýasalan ähli gap-gaçlar
Rebbe bagyş edilendir. Olar Rebbiň gaz-
nasyna goýulmalydyr». 19 Şeýdip, adamlar
gygyrdylar, ruhanylar surnaýlaryny çal-
dylar. Goşun surnaýlaryň sesini eşiden
badyna şeýle bir uly şowhun turuzdy
welin, galanyň diwarlary ýykyldy. Şol
wagt goşun gala tarap okduryldy we ony
basyp aldy. 20 Şunlukda, olar galadaky
hemme erkekdir aýallary, ýaşu-garrylary,
şeýle hem mal-garalary, goýunlary, eşek-
leri gylyçdan geçirip bütinleý ýok etdiler.
21 Soňra Ýeşuwa Ýeriho galasyna we onuň
daş-töweregine içalylyk etmäge giden iki
ýaş ýigide: «Rahabyň öýüne baryň we
oňa, onuň öýündäkilerine söz berşiňiz ýa-
ly, olary daşaryk alyp çykyň» diýdi. 22 Ol
iki ýaş ýigit Rahabyň öýüne gidip, ony,
onuň ata-enesini, doganlaryny hem-de
oňa degişli bolan adamlaryň hemmesini
daşaryk alyp çykdy. Olar bu maşgalany
tutuşlygyna getirip, Ysraýyl düşelgesi-
niň ýanynda ýerleşdirdiler. 23 Galany we
onuň içindäki ähli zatlary otladylar, diňe
altyn-kümüşden, misden we demirden
ýasalan gap-gaçlar Rebbiň öýüniň gaz-
nasyna goýuldy. 24 Ýeriho galasyna içaly
bolup baranlary gizläp saklandygy üçin,
Rahaby we onuň dogan-garyndaşlaryny
Ýeşuwa diri galdyrdy. (Onuň nesilleri şu
günki gün hem ysraýyllaryň arasynda
ýaşaýarlar.) 25 Şol wagt Ýeşuwa kasam
edip, şeýle diýdi:

«Kim bu Ýeriho galasyny
täzeden gursa,
goý, oňa Rebbiň huzurynda
nälet siňsin!
Onuň düýbüni tutan nowbahar
ogluny ýitirer,
derwezesini diken körpe
oglundan dynar!»

26 Şeýlelikde, Reb Ýeşuwa bilen bile
boldy. Ýeşuwanyň şöhraty tutuş ýurda
ýaýrady.

## 7-nji bap

### *Akanyň günäsi we jezasy*

1 Ýöne ýok edilmeli zatlardan almaly
däl diýen buýruga ysraýyllaryň hemmesi
boýun egmediler. Ýahuda tiresinden bo-
lan Zeranyň çowlugy, Zabdynyň agtygy,
Karmynyň ogly Akan Rebbe aýry goýlan
zatlardan alandygy üçin, Rebbiň gahary
ysraýyllaryň başyndan indi.
2 Ýeşuwa Ýerihodan birnäçe adamy
Aý galasyna içalylyk etmek üçin iberdi.
Aý galasy Beýteliň gündogar tarapyn-
da, Beýtaweniň ýanynda ýerleşýärdi.
Iberilen adamlar Aý galasyna gitdiler
we ol ýerleri gowy gözden geçirdiler.
3 Dolanyp gelenlerinden soň, olar Ýe-
şuwa: «Ähli adamlaryň ol ýere gitmegi
hökman däl, goý, iki-üç müň adam git-
sin-de, Aý galasyny basyp alsyn. Onuň
ilaty az, ol ýere tutuş goşuny sürmegiň
geregi ýok» diýdiler. 4 Ysraýyllardan üç
müňe golaý adam Aý galasyna tarap gitdi,
emma Aý galasynyň ýaşaýjylary olary
gaçmaga mejbur etdiler. 5 Aýyň halky
olaryň otuz altysyny öldürdi we beý-
lekilerini bolsa derwezäniň agzyndan
tä daş goparylýan ýere çenli kowalap,
dagyň eteginde gyrdylar. Şonuň üçin
tutuş halkyň susty basyldy we dowla
düşüp, ýüregi ýarylara geldi.
6 Ýeşuwa we Ysraýylyň ýaşululary
ýakalaryny ýyrtyp, özlerini ýüzinligine
ýere oklap, başlaryndan gum sowrup,
Rebbiň Äht sandygynyň öňünde tä ag-
şama çenli ýas tutup ýatdylar. 7 Ýeşuwa
şeýle diýdi: «Eý, Hökmürowan Reb, Sen

näme üçin bu halky Iordandan bärik
getirdiň? Ýa-da bizi amorlaryň elin-
de gyrdyrmak üçin getirdiňmi? Biz
Iordandan geçmän, öňki ýerimizde ga-
lyp ýaşaberen bolsak bolmaýarmydy
näme?! [8]Eý, Taňrym, ysraýyllar duş-
manlaryndan ýeňse berip gaçanlaryndan
soň, indi men näme aýdaýyn? [9]Eger
kenganlar we beýleki halklar bu hakda
eşitseler, olar biziň daşymyzy gabap alar-
lar hem-de biziň adymyzy ýer ýüzünden
süpürip taşlarlar. Şonda Sen Öz beýik
adyň üçin näme edip bilersiň?»

[10]Reb Ýeşuwa şeýle diýdi: «Tur ýe-
riňden, näme üçin ýüzüňi sallaýarsyň?
[11]Ysraýyl günä iş etdi. Olar ýok edilme-
li zatlardan alyp, Meniň olara buýran
ähtimi bozdular. Olar şol zatlardan ogur-
ladylar we ýalan sözläp, olary öz öý
goşlarynyň arasynda gizläp goýdular.
[12]Şonuň üçin hem ysraýyllar duşmanyň
öňünde durup bilmediler. Olar uruş-
da ýeňse berip gaçdylar. Çünki olaryň
özleri hem ýok edilip, ölüme sezewar
edilmelidirler. Eger siz öz araňyzdaky
şol ogurlanan zatlary aýryp ýok etmese-
ňiz, Men mundan beýläk siziň bilen bile
boljak däl. [13]Ýeriňden tur-da, adamlara
inlerini tämizlemegi buýur. Goý, olar
ertire çenli inlerini tämizläp päklensin-
ler. Sebäbi Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle
diýýär: „Eý, Ysraýyl, ýok edilmeli zat-
lar seniň öz içiňde. Şoňa görä-de sen tä
öz içiňden olary aýryp taşlaýançaň, öz
duşmanlaryňyň öňünde durup bilmersiň.
[14]Şonuň üçin hem ertir irden öz ähli ti-
releriňiz aýry-aýrylykda tire-tire bolup
öňe çyksyn. Meniň görkezen tiräm urug-
-urug bolup öňe çyksyn. Meniň görkezen
urugym bolsa maşgala-maşgala bolup
öňe çyksyn. Meniň görkezen maşgalam
bolsa, goý, her biri ýeke-ýekeden öňe
çyksyn. [15]Ýok edilmeli zatlardan ogurlan
adam görkezilip, tutuş maşgalasy, ähli
emlägi özi bilen birlikde oda ýakylsyn,
sebäbi ol Rebbiň ähtini bozdy we Ysra-
ýylyň arasynda masgaraçylykly iş etdi“».

[16]Ýeşuwa ertesi säher bilen turdy we
ähli ysraýyllara tire-tire bolup öňe çyk-
maklaryny buýurdy we ýahuda tiresi
görkezildi. [17]Soňra ýahuda tiresiniň
uruglaryna öňe çykmaklaryny buýur-
dy we Zeranyň urugy görkezildi. Soňra
Zeranyň urugy maşgala-maşgala bolup
öňe çykdy we Zabdynyň maşgalasy
görkezildi. [18]Onsoň Ýeşuwa Zabdynyň
maşgalasyna ýeke-ýekeden öňe çykmagy
buýurdy we Karmynyň ogly, Zabdynyň
agtygy, Zeranyň çowlugy Akan görke-
zildi; ol ýahuda tiresindendi.

[19]Soňra Ýeşuwa Akana: «Oglum, Ysra-
ýyl Hudaýy Rebbi şöhratlandyr we Oňa
şükür et. Indi bolsa, näme eden bolsaň
maňa aýt, menden hiç zat gizleme» diýdi.
[20]Akan Ýeşuwa: «Hakykatdanam, men
Ysraýyl Hudaýy Rebbiň öňünde günä iş
etdim. [21]Men olja alnan zatlaryň arasyn-
dan owadan Şingar donuny, bäş gadak [a]
kümüş hem-de agramy bir ýarym gadak [b]
bolan altyn tokgasyny görenimde, gö-
züm gidip, olary ogurladym. Aşagyna
kümüş goýup, men olary çadyrymyň
içinde ýere gömdüm» diýip jogap berdi.

[22]Ýeşuwa birnäçe adamy çadyry bar-
lamaga iberdi. Olar göni çadyra kürsäp
girdiler. Ýaňky aýdylan ähli zatlar aşa-
gyna kümüş goýlup, ýere gömlen eken.
[23]Olar bu zatlaryň hemmesini çadyrdan
çykaryp, Ýeşuwanyň we ähli ysraýyl-
laryň duran ýerine getirip, Rebbiň

---

[a] **7:21** ***Bäş gadak*** – ýewreýçe *iki ýüz şekel*. Bu takm. 2 kg deňdir.
[b] **7:21** ***Bir ýarym gadak*** – ýewreýçe *elli şekel*. Bu takm. 600 gr deňdir.

huzurynda goýdular. 24 Ýeşuwa we ähli
ysraýyllar Zeranyň çowlugy Akany we
onuň ogurlan kümşüni, donuny, altyn
bölegini, onuň ogul-gyzlaryny we ähli
emlägini: öküzlerini, eşeklerini, goýun-
laryny, çadyryny onuň özi bilen bile
Akor jülgesine alyp geldiler. 25 Ýeşuwa
Akana: «Biziň başymyza nähili bela
getiren bolsaň, indi Reb şol bela-beteri
seniň öz başyňdan inderer» diýdi. Soňra
ähli ysraýyllar ony maşgalasy bilen bile
daşlap öldürdiler we olary oda ýakdy-
lar. 26 Akanyň üstünde uly daş üýşmegi
emele geldi. Ol biziň günlerimize çenli
saklanyp galypdyr. Diňe şondan soňra
Rebbiň gahar-gazaby köşeşdi. Şonuň
üçin ol ýer şu günler hem Akor [a] jülgesi
diýlip atlandyrylýar.

## 8-nji bap

### *Ysraýyllar Aý galasyny weýran edýärler*

1 Soňra Reb Ýeşuwa şeýle diýdi: «Hiç
zatdan gorkma we dowla düşme. Öz
urşujylaryňyň ählisini al-da, göni Aý
galasyna ýöriş et. Görýäňmi, Men Aý
galasyny, onuň hanyny, adamlaryny
we ýerini seniň eliňe berjekdirin. 2 Sen
Ýeriho galasy bilen onuň hanyny näme
eden bolsaň, Aý galasy bilen onuň hany-
ny hem şonuň ýaly et. Ýöne ondan olja
alan zatlaryňyzy we mal-garalaryňyzy
öz araňyzda paýlaşyň. Duýdansyz çoz-
maga taýýar bolup, bir bölegiňiz galanyň
ýeňsesinde bukuda oturyň».

3 Ýeşuwa we ähli goşun Aý galasyna
gitmek üçin ýerlerinden turdular, Ýe-
şuwa olaryň arasyndan otuz müň sany
edermen urşujyny saýlap alyp, olary gije
ugratdy. 4 Ýeşuwa olara şeýle buýruk
berdi: «Siz galanyň arka tarapynda, onuň
ýeňsesinde bukuda oturarsyňyz. Gala-
dan gaty uzaga gitmäň we hemmäňiz
taýýar bolup duruň. 5 Men ýanymdaky
ýoldaşlarym bilen gala golaý bararys. Şol
wagt Aýyň ýaşaýjylary edil öňki gezek-
ki ýaly biziň garşymyza çykyp ugrarlar
welin, biz olardan gaçyp başlarys. 6 Olar
biziň yzymyzdan kowalap gaýdarlar. Biz
olaryň ünsüni galadan sowarys, sebäbi
olar bizi edil öňki gezekki ýaly, özlerin-
den gaçýandyrlar öýderler. Biz olardan
gaçýan mahalymyz, 7 siz bukudan çykyp,
galany eýeläň. Çünki Hudaýyňyz Reb bu
galany siziň eliňize berjekdir. 8 Galany
eýeläniňizde, Rebbiň buýruşy ýaly, ony
otlaň. Hut meniň tabşyryşym ýaly ediň!»

9 Şeýlelikde, Ýeşuwa olary ugratdy.
Olar bukuda oturmak üçin gitdiler. Olar
Aý galasynyň günbatar tarapynda, Beýtel
bilen Aýyň aralygynda ýerleşdiler, em-
ma Ýeşuwa galan adamlar bilen gijäni
düşelgede geçirdi.

10 Ýeşuwa ertesi irden turup, adam-
laryň hemmesini ýygnady. Ol Ysraýyl
ýaşulular bilen goşunyň öňüne düşüp,
Aý galasyna tarap ugrady. 11 Onuň bilen
bile urşujylaryň ählisi gitdi, olar ga-
lanyň esasy girelgesine golaýlaşdylar.
Olar Aýyň demirgazyk tarapyndan gelip
düşlediler. Indi olar bilen Aý galasynyň
arasynda diňe jülge bardy. 12 Soňra Ýe-
şuwa bäş müňe golaý adamy galanyň
günbatarynda, Beýtel bilen Aýyň ara-
lygynda bukuda oturtdy. 13 Goşunyň
agramly bölegi galanyň demirgazygyn-
da, galan bölegi günbatarynda ýerleşdi.
Ýeşuwa bolsa şol gijäni jülgede geçirdi.

14 Bu zatlary görende Aý galasynyň
hany we onuň ähli adamlary çalt hereket
etdiler. Galanyň hany erkek adamlary

[a] **7:26** Ýewreýçe *Akor* we *bela* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

bilen bile irden turup, şol wagtyň özün-
de Araba düzlüginiň öňüne, ysraýyllar
bilen söweşmäge öňki ýere çykdy. Em-
ma özi üçin galanyň ýeňsesinde duzak
gurlandygyndan Aýyň hanynyň haba-
ry ýokdy. 15 Ýeşuwa we ähli ysraýyllar,
hamala, olardan ýeňilýän ýaly bolup,
çöle tarap gaçdylar. 16 Olaryň yzyndan
kowmak üçin galadaky ähli erkek adam-
lar çagyryldy. Olaryň hemmesi birigip,
Ýeşuwanyň we onuň goşunynyň yzyndan
kowalap, galadan daşlaşdylar. 17 Aýda we
Beýtelde ysraýyllaryň yzyndan kowala-
madyk ýekeje-de erkek adam galmady.
Şeýdip, olar öz galasyny goragsyz, alaň-
açyk galdyrdylar.

18 Şonda Reb Ýeşuwa: «Eliňdäki naý-
zany Aý galasyna tarap uzat, sebäbi Men
ony seniň eliňe berjek» diýdi. Şeýlelikde,
Ýeşuwa elindäki naýzasyny gala tarap
uzatdy. 19 Ol elini uzadan badyna, bu-
kuda oturanlar çalasynlyk bilen oturan
ýerlerinden çykyp, gala tarap okduryl-
dylar. Olar galany eýeläp, derrew ony
oda berdiler.

20 Aý galasynyň adamlary yzlaryna
seredende, galanyň tüssesiniň al-asmana
galandygyny gördüler. Olaryň aňry hem,
bäri hem gaçara ýeri ýokdy. Sebäbi çöle
gaçyp barýan ysraýyllar hem kowguçyla-
ra garşy öwrülipdiler. 21 Ýeşuwa we ähli
ysraýyllar bukuda oturanlaryň galany
eýeländiklerini we galanyň tüssesiniň
asmana galandygyny görüp, yzlaryna
dolandylar we Aýyň adamlaryny gyr-
maga başladylar. 22 Galany eýelän goşun
duşmanyň öňünden çykyp, olary ysra-
ýyllaryň ortalygynda galar ýaly edip,
ähli tarapdan gabadylar-da, bir adamy
hem diri galdyrman ýa-da gaçyrman,
baryny gyrdylar. 23 Diňe Aý galasynyň
hanyny diri tutup, ony Ýeşuwanyň ýa-
nyna getirdiler.

24 Ysraýyllar Aý galasynyň ähli ilatyny
olaryň özlerini kowalap elten ýerinde
gyrdylar. Olaryň iň soňkusy öldüril-
enden soň, ähli ysraýyllar Aý galasyna
tarap öwrüldiler we ol ýerdäkileri gylyç
bilen weýran etdiler. 25 Tutuş Aý galasyn-
da şol gün öldürilen ilatyň, aýal-erkek
ählisiniň jemi on iki müň sany boldy.
26 Ýeşuwa bolsa tä Aýyň ähli ilatyny
bütinleý ýok edip gutarýançalar, uzadan
naýzaly elini aşak goýbermedi. 27 Reb-
biň Ýeşuwa buýruşy ýaly, ysraýyllar
ol galanyň diňe mal-garasyny we talap
alan zatlaryny özlerine olja edip aldylar.

28 Şeýlelikde, Ýeşuwa Aý galasyny
oda ýakdy we ony tä şu günlere çen-
li ömürlik harabaçylyga öwürdi. 29 Aý
galasynyň hanyny bolsa tä agşam düş-
ýänçä agaçdan asyp goýdy. Gün ýaşan
badyna, Ýeşuwa onuň jesedini agaçdan
düşürip, galanyň derwezesiniň girelge-
siniň öňüne taşlamagy buýurdy. Onuň
üstüne tümmek edip, daş üýşürdiler. Şol
daş üýşmegi biziň günlerimize çenli
saklanyp galypdyr.

### *Ýeşuwa Musanyň kanunyny okaýar*

30 Şol wagt Ýeşuwa Eýbal dagynda Ys-
raýyl Hudaýy Rebbe gurbanlyk sypasyny
gurdy. 31 Rebbiň guly Musanyň ysraýyl-
lara buýruşy we onuň Kanun kitabynda
ýazylyşy ýaly, gurbanlyk sypasy demir
degmedik daşlardan guruldy. Onuň üs-
tünde Rebbe ýakma hem-de salamatlyk
gurbanlyklaryny berdiler. 32 Ýeşuwa ys-
raýyllaryň gatnaşmagynda şol daşlaryň
ýüzüne Musanyň kanunynyň nusgasyny
ýazdy. 33 Ähli ysraýyllar, onuň ýaşulu-
lary, ýolbaşçylary, kazylary we olaryň
arasyndaky gelmişekler Rebbiň Äht
sandygyny göterýän lewi ruhanylarynyň
garşysynda, olaryň hem aňry gapdalyn-
dan, hem bäri gapdalyndan iki topar

bolup durdular. Rebbiň guly Musanyň:
«Hudaýyň ak patasyny almaly pursady-
ňyz gelende, şeýle duruň» diýip buýruşy
ýaly edip, olaryň ýarysy Gerizim dagy-
nyň öňünde, beýleki ýarysy bolsa Eýbal
dagynyň öňünde durdular.

34 Soňra Kanun kitabynda ýazylyşy
ýaly, Ýeşuwa ähli alkyş we nälet sözle-
rini ýekeme-ýeke gaty ses bilen okady.
35 Tutuş Ysraýyl jemagatynyň, aýallaryň,
çagalaryň we olaryň arasyndaky gelmi-
şekleriň öňünde Ýeşuwa Musanyň ähli
buýruklaryny ýeke söz hem galdyrman
okady.

## 9-njy bap

### *Gibgonlylar ysraýyllary aldaýarlar*

1 Ysraýyllaryň ýeňşi hakyndaky habar
Iordanyň günbataryndaky ähli hanlara:
het, amor, kengan, periz, hiwi, ýabus
hanlaryna baryp ýetdi. Olar daglyklarda,
günbatardaky baýyrlyklarda, şeýle hem
Ortaýer deňziniň tutuş kenar ýakasyn-
dan tä Liwana çenli aralykda ýaşaýan
hanlardylar. 2 Olaryň hemmesi birleşip,
Ýeşuwanyň we ysraýyllaryň garşysyna
söweşe çykdylar.

3 Emma golaýda ýaşaýan Gibgonyň
ilaty Ýeşuwanyň Ýeriho we Aý galalary-
ny näme edendigini eşidenlerinde, 4 olar
onuň ýanyna aldaw ýoly bilen barmagy
ýüreklerine düwdüler. Olaryň bir topary
ýol şaýyny tutup, köne horjunlaryny we
ýyrtyk-ýyrtyk, ýama-ýama şerap meşik-
lerini eşeklerine ýükläp ýola düşdüler.
5 Olaryň aýaklaryndaky çaryklary köne-
-sana ýamalydy, egin-eşikleri sal-saldy
we ähli ýol çörekleri gaty-guty hem
heňlidi. 6 Olar Gilgaldaky Ýeşuwanyň
düşelgesine gelip, oňa we ysraýyllara:
«Biz siziň bilen ylalaşyk baglaşmak üçin
uzak ýurtdan geldik» diýdiler.

7 Ysraýyllar hiwilere: «Belki, siz bize
golaý ýaşaýansyňyz. Eger şeýle bolsa,
biz siziň bilen nähili ylalaşyk baglaşa-
ly?» diýdiler. 8 Olar Ýeşuwa: «Biz siziň
sadyk gullaryňyz» diýdiler. Ýeşuwa
olardan: «Siz kim we nireden geldiňiz?»
diýip sorady.

9 Olar şeýle gürrüň berdiler: «Biziň
ýurdumyz örän uzakda ýerleşýär, biz si-
ziň Hudaýyňyz Rebbiň şöhratyny eşidip
geldik. Biz Onuň Müsürde bitiren ähli
işlerinden habarly. 10 Iordanyň gündoga-
ryndaky iki amor hanyny – Heşbonyň
Sihon hany bilen Aştarotda ýaşan Başa-
nyň Og hanyny Onuň näme edendigini
biz bilýäris. 11 Şonuň üçin ýaşulularymyz
we ýurdumyzyň ähli adamlary bizi siziň
ýanyňyza iberip: „Ýol harajady üçin ge-
rek zatlaryňyzy alyň-da, ysraýyl halkyny
garşylamaga gidiň. Olara duşanyňyz-
da, halkymyzyň olaryň gullarydygyny
aýdyp, olardan biziň bilen ylalaşyk bag-
laşmagyny haýyş ediň“ diýdiler. 12 Biziň
çöreklerimize serediň, siziň ýanyňyza
gaýdan günümiz öýde bulary düwe-
nimizde, ýaňyja tamdyrdan çykandy.
Häzir bolsa, siziň görşüňiz ýaly, bular
gaty we heňli. 13 Ine, bular biziň şerap
meşiklerimiz. Biz olary dolduranymyz-
da, olar täzejediler, häzir bolsa olaryň
hemmesi jaýryk-jaýryk boldular. Biziň
egin-eşigimize we çarygymyza serediň.
Uzak ýol olary sandan çykardy».

14 Şeýdip, ysraýyllar olaryň çörekle-
rinden dadyp gördüler, ýöne bu hakda
Rebden maslahat soramadylar. 15 Ýe-
şuwa olar bilen ylalaşyk baglaşdy we
olary diri galdyrjakdygyna söz berdi,
jemagat baştutanlary hem ony tassyklap
kasam etdiler.

16 Olar bilen ylalaşyk baglaşyp, üç
gün geçenden soňra ysraýyllar olaryň
goňşy bolup ýaşaýandyklaryny eşitdiler.

17 Ysraýyllar ýöriş edip, üç gün diýlende
olaryň Gibgon, Kepira, Beýerot, Kir-
ýatýegarym galalaryna gelip ýetdiler.
18 Ysraýyllar olara hüjüm etmediler, se-
bäbi jemagat baştutanlary olara Ysraýyl
Hudaýy Rebbiň adyndan kasam içipdiler.
Soňra jemagat öz baştutanlaryna gar-
şy nägilelik bilen hüňürdeşdi. 19 Emma
baştutanlar tutuş halka ýüzlenip: «Biz
olara Ysraýyl Hudaýy Rebbiň adyndan
kasam etdik. Şonuň üçin hem biz olara
degmeris. 20 Biz olar bilen şeýle ederis:
öz eden kasamymyza Rebbiň gazaby
başymyzdan inmez ýaly, olary diri
galdyrarys. 21 Goý, olar ýaşabersinler»
diýdiler. Şeýlelikde, jemagat baştutan-
larynyň eden teklibi boýunça olar ähli
halk üçin odun çapýançy we suw daşa-
ýançy boldular.
22 Ýeşuwa gibgonlylary ýanyna
çagyryp, olara: «Näme üçin siz bizi al-
dadyňyz? Siz: „Biz uzakda ýaşaýarys“
diýdiňiz, hakykatda bolsa biziň golaý
goňşymyz ekeniňiz. 23 Şu pursatdan
başlap, siz näletlendiňiz, siz indi bize
hemişelik gul bolarsyňyz. Siz Hudaýy-
myň öýi üçin odun çapýançy we suw
daşaýançy bolarsyňyz» diýdi.
24 Olar Ýeşuwa: «Hudaýyňyz Rebbiň
ähli ýurtlary siziň eliňize bermegi we
olaryň ýaşaýjylaryny gyrmagy Öz guly
Musa buýrandygyny bize aýtdylar. Siz
sebäpli biz öz janymyzyň howp astynda-
dygyny bildik we şonuň üçin hem şeýle
etdik. 25 Ine, indi biz seniň eliňde. Bize
näme etmegi dogry we adalatly hasap
etseň, şony-da edäý» diýdiler.
26 Şonda Ýeşuwa olary ysraýyllaryň
elinden halas etmegi ýüregine düwdi,
olary öldürmediler. 27 Şeýlelikde, Ýeşuwa
hut şol günüň özünde jemagat üçin we
Rebbiň Özüniň saýlan ýerindäki gur-
banlyk sypasy üçin olary odun çapýançy
we suw daşaýançy edip belledi. Olar
bu günki gün hem şeýle işleri edýärler.

## 10-njy bap

### *Ýeşuwa Güne saklanmagy buýurýar*

1 Iýerusalimiň hany Adonysedek Ýe-
şuwanyň Aý galasyny basyp alyp, ony
bütinleý ýok edendigini, onuň hanyny
hem edil Ýerihony we onuň hanyny
ýok edişi ýaly, gylyçdan geçirendigini
eşitdi. Gibgonyň ýaşaýjylarynyň bolsa
Ysraýyl bilen ýaraşyk baglaşyp, olaryň
arasynda ýaşaýandyklaryny eşidende,
2 ol gaty gorkdy. Sebäbi Gibgon hem
edil beýleki hanlaryň galalary ýaly bir
uly galady. Ol Aý galasyndan hem uludy
we onuň ähli adamlary edermen urşujy-
lardy. 3 Iýerusalimiň hany Adonysedek
şonuň üçin Hebronyň hany Hohama,
Ýarmudyň hany Pirama, Lakyşyň ha-
ny Ýapyýa, Eglonyň hany Debire şeýle
habar gönderdi: 4 «Meniň ýanyma gelip,
Gibgona hüjüm etmäge ýardam ediň,
sebäbi gibgonlylar Ýeşuwa hem-de ys-
raýyllar bilen ýaraşyk baglaşypdyrlar».
5 Soňra amorlaryň bäş sany hany:
Iýerusalimiň hany, Hebronyň hany, Ýar-
mudyň hany, Lakyşyň hany we Eglonyň
hany özleriniň ähli goşun toparlary bilen
bilelikde bir ýere ýygnanyşdylar. Olar
Gibgonyň daşyny gabap, olaryň üstüne
çozdular.
6 Gibgonlylar Gilgaldaky düşelgesin-
de bolan Ýeşuwa: «Öz gullaryňdan el
çekme, tizräk gel-de, bizi halas et. Bize
kömek et, sebäbi daglykda ýaşaýan ähli
amor hanlary biziň garşymyza güýç
birikdiripdirler» diýip habar iberdiler.
7 Şeýlelikde, Ýeşuwa özüniň ähli
goşuny, edermen urşujylary bilen bi-
le Gilgaldan çykyp ugrady. 8 Reb oňa:
«Gorkma, ol hanlaryň ählisini Men seniň

eliňe berdim. Olaryň hiç biri seniň öňüň-
de durup bilmez» diýdi.
9 Gilgaldan çykanlaryndan soň, Ýeşu-
wa bütin gije ýol ýöräp, olaryň üstüne
duýdansyz geldi. 10 Reb hem ysraýyllary
gören badyna olaryň ýüreklerine how-
sala düşer ýaly etdi. Ysraýyllar olary
Gibgonda derbi-dagyn etdiler. Beýtho-
ron geçelgesine gidýän ýol bilen Azeka
we Makeda çenli gaçanlarynyň yzyndan
kowalap, olary gyrdylar. 11 Olar Beýt-
horon dagynyň eňňidiniň ugry bilen
ysraýyllardan gaçanlarynda, Reb Azeka
barýança olaryň üstüne gökden uly daş-
lar ýagdyrdy, olar gyryldylar. Uly daşyň
aşagynda galyp ölenler ysraýyllaryň
öldürenlerinden köp boldy.
12 Rebbiň amorlary ysraýyllaryň eline
beren güni, Ýeşuwa Reb bilen gepleşdi
we ysraýyllaryň gözleriniň alnynda şeýle
diýdi: «Eý, Gün, dur, Gibgonyň üstünde!
Eý, Aý, dur, Aýalon deräniň üstünde!»
13 Halk duşmanyndan ar alyp bolýança,
Gün saklandy we Aý durdy. Bu Ýaşur
kitabynda ýazylgy dälmi eýsem? Hawa,
Gün asmanyň ortasynda saklandy we
uzynly gün diýen ýaly ýaşmaga how-
lukmady. 14 Rebbiň adamzadyň sesini
eşiden şol güni ýaly gün öňde-soňda hiç
haçan bolmandy, çünki Reb ysraýyllar
üçin söweşdi.
15 Soňra Ýeşuwa ähli ysraýyllar bilen
bile Gilgaldaky düşelgä gaýdyp geldi.

### *Ýeşuwa bäş amor hanyny gylyçdan geçirýär*

16 Bäş han gaçyp, Makeda gowagyn-
da gizlenipdiler. 17 Olaryň gizlenen ýeri
tapylyp, Ýeşuwa habar berildi. 18 Ýeşu-
wa şeýle diýdi: «Uly daşlary gowagyň
girelgesine söýäp goýuň we hanlara
gözegçilik eder ýaly garawullar goýuň.
19 Emma siziň özüňiz ol ýerde galmaly
dälsiňiz. Duşmanlaryňyzyň yzyndan
kowup, arkadan gelip, olary ýok ediň.
Galalaryna girmäge olara ýol bermäň,
çünki Hudaýyňyz Reb olary siziň eli-
ňize berdi».
20 Ýeşuwa we ysraýyllar olaryň iň
soňkusyna çenli diýen ýaly ýok etdiler.
Olaryň diri galanlarynyň birnäçesi ga-
çyp, berk galalara girip ýetişdiler. 21 Soňra
tutuş goşun sag-aman Makedadaky dü-
şelgä, Ýeşuwanyň ýanyna gaýdyp geldi.
Bir adamyň hem ysraýyllara garşy gep-
lemäge gurby çatmady.
22 Ýeşuwa adamlaryna: «Gowagyň ag-
zyny açyň we şol bäş hany meniň ýanyma
getiriň» diýip buýruk berdi. 23 Olar şeýle
hem etdiler. Şol bäş hany: Iýerusalim,
Hebron, Ýarmut, Lakyş we Eglon han-
laryny gowakdan çykaryp, 24 Ýeşuwanyň
ýanyna getirdiler. Ýeşuwa ähli ysraýylla-
ry çagyryp, özi bilen bile söweşen goşun
ýolbaşçylaryna: «Öňe çykyň we aýakla-
ryňyzy bu hanlaryň boýnuna goýuň!»
diýdi. Olar aýdylyşy ýaly etdiler.
25 Ýeşuwa ýene-de ol ýolbaşçylara:
«Gorkmaň we dowla düşmäň! Dözümli
we mert boluň! Çünki Reb siziň bilen
söweşýän her bir duşmany şeýle et-
jekdir» diýdi. 26 Ol bu hanlary öldürip,
olaryň jesetleriniň hersini bir agaçdan
asyp goýdy. Olar agaçdan agşama çenli
asylgy durdular.
27 Gün batanda, Ýeşuwanyň buýru-
gy boýunça olary alyp, öňki gizlenen
gowagyna taşladylar we ullakan daşlar
bilen gowagyň agzyny ýapdylar. Olar
häzire çenli hem şol ýerde saklanyp
galypdyrlar.

### *Ýeşuwa kenganlary basyp almagy dowam edýär*

28 Şol günüň özünde Ýeşuwa Makeda-
ny basyp aldy. Onuň ilatyny we hanyny

gylyçdan geçirdi. Ol ýerde ýekeje-de diri
adam goýman, hemmesini bütinleý ýok
etdi. Ýeşuwa Makedanyň hanyny hem
edil Ýerihonyň hanyny näme eden bolsa
şonuň ýaly etdi.
29 Soňra Ýeşuwa ähli ysraýyllar bilen
Makedadan Libna gelip, onuň üstüne
çozuş etdi. 30 Reb bu galany hem onuň
hany bilen bile ysraýyllaryň eline berdi,
olar onuň ähli ilatyny gyrgyna berdiler,
ol ýerde ýekeje-de janly zat galdyrma-
dylar. Ýerihonyň hanyny näme eden
bolsalar, onuň hanyny hem şeýle etdiler.
31 Ýeşuwa ähli ysraýyllar bilen Libna-
dan Lakyşa geldi, onuň daş-töweregini
gabap, onuň üstüne çozdy. 32 Söweşiň
ikinji gününde Reb Lakyşy ysraýyllaryň
eline berdi. Edil Libnadaky edişleri ýa-
ly, ysraýyllar onuň içindäki adamlaryň
ählisini gylyçdan geçirdiler. 33 Şol wagt
Lakyşa kömek etmek üçin, Gezeriň ha-
ny Horam geldi. Ýeşuwa ony hem ähli
adamlary bilen birlikde ýekejesini-de
diri galdyrman gyrdy.
34 Ýeşuwa ähli ysraýyllar bilen Lakyş-
dan Eglona bardy. Onuň daş-töweregini
gabap, onuň üstüne çozdy. 35 Ýeşuwa şol
günüň özünde ony basyp aldy, onuň ähli
ilatyny edil Lakyşdaky edişi ýaly, şol
gün gylyçdan geçirip, bütinleý ýok etdi.
36 Ýeşuwa ähli ysraýyllar bilen Eg-
londan Hebrona baryp, onuň üstüne
çozdular. 37 Olar galany basyp alyp, ony
we onuň hanyny, obalaryny hem onda-
ky ähli adamlary gylyçdan geçirdiler.
Edil Eglondaky ýaly edip, olar galanyň
içinde ýekeje-de diri adam galdyrman,
bütinleý ýok etdiler.
38 Soňra Ýeşuwa ähli Ysraýyl bilen
Debire tarap yzyna öwrülip, oňa çozuş
etdi. 39 Galasy bilen bile onuň hanyny we
ähli obalaryny basyp aldy, ýekeje-de
diri adam goýman, olaryň hemmesini
gylyçdan geçirip, bütinleý ýok etdi. Olar
Hebrona, Libna hem olaryň hanlaryna
näme eden bolsalar, Debire we onuň
hanyna hem şeýle etdiler.
40 Şeýdip, Ýeşuwa ähli ýeri: daglyk
ýerleri, Negep çölüni, günbatar baýyr-
lyklary, dag eteklerini we olaryň ähli
hanlaryny basyp aldy. Ysraýyl Hudaýy
Rebbiň buýruşy ýaly, ol ýekeje-de diri
adam galdyrman, ähli janly-jandary
gyryp, bütinleý ýok etdi. 41 Ýeşuwa Ka-
deşbarneýanyň günortasyndan Gaza
çenli, Goşeniň tutuş ýerini, Gibgonyň
demirgazygyna çenli bolan ýerleri basyp
aldy. 42 Şol bir wagtyň özünde Ýeşuwa ol
ýerleriň ähli hanlaryny we olara degişli
ýerleri basyp aldy, sebäbi Ysraýyl Huda-
ýy Rebbiň hut Özi Ysraýyl üçin söweşdi.
43 Şundan soň Ýeşuwa ähli ysraýyllar
bilen bile Gilgaldaky düşelgä dolanyp
geldi.

## 11-nji bap

### *Ýeşuwanyň demirgazykdaky söweşi*

1 Hasor hany Ýabyn ysraýyllaryň bu ýe-
ňişleri hakynda eşidende, Madonyň hany
Ýobaba, Şimron hanyna we Akşap hany-
na, 2 şeýle hem, demirgazyk daglyklarda
ýaşaýan hanlara, Kinnerediň günorta-
syndaky Araba düzlüginde, günbatar
baýyrlykda we günbatar Napotdorda
ýaşaýan hanlara, 3 gündogar we günbatar
kengan hanlaryna, daglyklarda ýaşaýan
amorlara, hetlere, perizlere, ýabuslara
we Hermon dagynyň etegindäki Mispa
ülkesinde ýaşaýan hiwilere kömek et-
meklerini sorap habar iberdi. 4 Bu hanlar
ähli goşunlary bilen geldiler, olaryň atla-
rynyň we söweş arabalarynyň sany juda
köpdi. Olaryň sany edil deňiz kenaryn-
daky çäge ýaly köpdi, ägirt uly goşundy.
5 Ol hanlaryň hemmesi ysraýyllara garşy

söweşmek üçin birleşip, Merom çeşme-
siniň ýanynda düşelge gurdular.
6 Reb Ýeşuwa: «Sen olardan gork-
ma, sebäbi ertir şu wagtlar Men olaryň
ählisini öldürip, ysraýyllaryň eline
berjekdirin. Siz olaryň atlarynyň toý-
naklaryny döwüň we arabalaryny otlaň»
diýdi. 7 Şeýlelikde, Ýeşuwa ähli urşujylar
bilen bile Merom çeşmesine duýdansyz
gelip, olaryň üstüne çozdy. 8 Reb olary
ysraýyllaryň eline berdi. Ysraýyllar ola-
ry gylyçdan geçirdiler we Beýik Sidona,
Misrepot Maýyma, gündogarda Mispe
jülgesine çenli olaryň yzyndan kowup,
olaryň iň soňkusyna çenli gyryp öldür-
diler. 9 Ýeşuwa Rebbiň özüne buýruşy
ýaly edip, olaryň atlarynyň toýnaklary-
ny döwdi, at-arabalaryny bolsa otlady.
10 Şol wagtyň özünde Ýeşuwa yzyna
dolanyp gelip, Hasory basyp aldy we
onuň hanyny gylyçdan geçirdi. (Hasor
şol wagtky hanlyklaryň iň beýigidi.)
11 Şeýle hem, ysraýyllar onuň içindäki
ähli ýaşaýjylaryny gylyçdan geçirip,
bütinleý ýok etdiler, ol ýerde ýekeje-de
diri janly-jandar galdyrmadylar. Hasor
galasyny bolsa oda berdiler. 12 Rebbiň
guly Musanyň buýruşy ýaly, Ýeşuwa bu
galalaryň hemmesini basyp alyp, onuň
hanlarynyň ählisini gylyçdan geçirip,
bütinleý ýok etdi. 13 Ysraýyllar Ýeşu-
wanyň otlan Hasor galasyndan başga,
depelerde gurlan galalaryň hijisini ot-
lamadylar. 14 Galadaky olja alnan ähli
zatlary we mal-garalary özlerine aldylar.
Ilatyny bolsa iň soňkusyna çenli gylyç-
dan geçirip gyrdylar, ýekejesini hem
diri galdyrmadylar. 15 Edil Rebbiň Öz
guly Musa buýruşy ýaly, Musa-da Ýe-
şuwa edil şonuň ýaly buýrupdy. Ýeşuwa
buýrugy ýerine ýetirdi. Ol Rebbiň Musa
beren buýruklarynyň ýekejesini-de gal-
dyrman, ählisini berjaý etdi. 16 Şeýdip,
Ýeşuwa şu ähli ýerleri: daglyklary, tutuş
Negep çölüni, Goşeniň ähli ýerini, gün-
batar baýyrlyklary, Araba düzlügini we
Ysraýyl daglyklaryny baýyrlary bilen,
17 Segir bilen ýanaşyk Halak dagyndan tä
Hermon dagynyň günortasynda Liwan
jülgesindäki Bagalgat galasyna çenli
ýerleri basyp aldy we ol ýerleriň ähli
hanlaryny boýun egdirip, olary gylyçdan
geçirip öldürdi. 18 Ýeşuwa ol hanlaryň
hemmesi bilen uzak wagtlap urşupdy.
19 Gibgonda ýaşaýan hiwilerden başga,
ýekeje gala-da ysraýyllar bilen ýaraşyk
baglaşmady. Beýlekileriň hemmesini sö-
weşip aldylar. 20 Çünki ysraýyllara garşy
söweşmekleri üçin olaryň ýüreklerini
gatadan hut Rebbiň Özüdi. Edil Rebbiň
Musa buýruşy ýaly, ysraýyllar olara hiç
hili rehim-şepagat etmän, bütinleý ýok
etdiler. 21 Şol wagt Ýeşuwa gidip, daglyk-
larda ýaşaýan anaklary gyrdy. Ýeşuwa
Hebronda, Debirde, Anapda, tutuş Ýa-
huda we Ysraýyl daglyklarynda ýaşaýan
anaklary galalary bilen birlikde bütinleý
ýok etdi. 22 Ysraýyllaryň ýerinde anaklar-
dan ýekejesi hem galmady. Diňe Gazada,
Gatda we Aşdotda olaryň ýek-tüki galdy.
23 Şeýdip, Ýeşuwa Rebbiň Musa basyp
almaly diýen ýerleriniň hemmesini aldy
we ol ýerleri bölüp, ysraýyllaryň tireleri
boýunça olara mülk edip paýlap berdi.
Şunlukda, ýer uruşdan dynyp rahatlandy.

## 12-nji bap

### *Musanyň basyp alan hanlary*

1 Ine, ysraýyllaryň ýeňip alan ýerleri-
niň hanlary şulardyr. Ysraýyllar Iordan
derýasynyň aňyrsyndaky gündogar ta-
rapa uzalyp gidýän Arnon jülgesinden
Hermon dagyna çenli bolan ýerleri we
tutuş Araba düzlüginiň gündogar ta-
rapyny basyp aldylar. 2 Hanlaryň biri

Heşbonda ýaşan amor hany Sihondy.
Onuň hanlygy Gilgadyň ýarysy we Arnon jülgesiniň ýakasyndaky Arogerden başlap, şol jülgäniň ortasyndaky galadan tä ammonlaryň araçägi bolan Ýabok derýasyna çenli aralygy öz içine alýardy.
3 Şeýle hem, ol Kinneret kölünden Araba deňzine, ýagny Öli deňze çenli bolan ýerlere, Araba düzlüginiň gündogarynda Beýtýeşimoda çenli barýan ýerlere we günbatarda Pisga dagynyň etegindäki ýerlere eýelik edýärdi. 4 Beýleki han Ba-
şan hany Ogdy. Ol Aştarotda we Edreýde ýaşap, rapalaryň iň soňkularynyň biridi.
5 Onuň hanlygyna Hermon dagy, Salka, bütin Başandan Geşuryň we Magakadyň araçäklerine çenli, Gilgadyň ýarysy, heşbon hany Sihonyň meýdanynyň ara-
çägine çenli ýerler girýär. 6 Rebbiň guly Musa we ysraýyllar olaryň hemmesini basyp aldylar. Musa olaryň ähli ýerlerini rubenleriň, gatlaryň we gündogardaky manaşa tiresiniň eýeçiligine berdi.

### *Ýeşuwanyň basyp alan hanlary*

7 Ýeşuwa we ysraýyllar Iordan der-
ýasynyň günbataryndaky ähli hanlary, Liwan jülgesindäki Bagalgatdan Segir bilen ýanaşyk Halak dagyna çenli ýerleri basyp aldylar. Ýeşuwa ol ýerleri bölüp, ysraýyllaryň tireleri boýunça mülk
edip paýlap berdi. 8 Daglykda, baýyrlyk-
da, Araba düzlüginde, dag eteklerinde, çöllükde we Negep çölünde ýaşaýan hetleriň, amorlaryň, kenganlaryň, perizleriň, hiwileriň we ýabuslaryň ýerlerini
ysraýyllara mülk edip berdi. 9 Ine, Ýeşu-
wa we ysraýyllar şu galalaryň hanlaryny: Ýerihonyň, Beýteliň golaýyndaky Aýyň,
10 Iýerusalimiň, Hebronyň, 11 Ýarmudyň,
Lakyşyň, 12 Eglonyň, Gezeriň, 13 De-
biriň, Gederiň, 14 Hormanyň, Aradyň,
15 Libnanyň, Adullamyň, 16 Makedanyň,
Beýteliň, 17 Tapuwanyň, Heperiň, 18 Ape-
giň, Laşaronyň, 19 Madonyň, Hasoryň,
20 Şimronmeronyň, Akşabyň, 21 Tagna-
gyň, Megidonyň, 22 Kedeşiň, Karmeldäki
Ýoknegamyň, 23 Napotdoryň ýanyndaky
Doruň, Jeliledäki Goýymyň we 24 Tirsa-
nyň – jemi otuz bir hany basyp aldylar.

## 13-nji bap

### *Ysraýyllaryň indiki basyp almaly ýerleri*

1 Ýeşuwa garrap, gojalyk ýaşyna ýetende, Reb oňa şeýle diýdi: «Indi sen örän garradyň, emma basylyp alynmaly ýerler entek gaty kän. 2 Şol basylyp
alynmaly ýerler şulardyr: piliştlileriň,
geşurlaryň ähli ýerleri, 3 günortada ýa-
şaýan awalar, Müsüriň gündogaryndaky Şihor derýasyndan demirgazyk Ekronyň araçägine çenli ýerler. Bu ýerler kenganlaryň ýerleri hasaplanýar. Şeýle hem, oňa piliştlileriň bäş galasy: Gaza, Aşdot, Aşkelon, Gat we Ekron degişli-
dir. 4 Şeýle-de kenganlaryň tutuş ýeri, sidonlylara degişli Megary bilen amorlaryň araçägi Apege çenli bolan ýerler.
5 Geballylaryň ýerleri, bütin gündogar Liwan, Hermon dagyna golaý ýerleşen Bagalgatdan tä Lebohamat girelgesine
çenli bolan ýerler. 6-7 Liwandan Misrepot Maýyma çenli ähli daglyklar we olaryň ähli ilaty, hatda sidonlylaryň ählisi hem degişlidir. Olary ysraýyllaryň öňünden Meniň Özüm kowup çykararyn. Ýöne sen bu ýerleriň hemmesini Meniň buýruşym ýaly, bije atyp, ysraýyllaryň dokuz tiresine we günbatardaky manaşa tiresine mülk edip paýlap ber».

### *Iordanyň gündogaryndaky ýerler*

8 Rebbiň guly Musanyň rubenlere, gatlara we manaşa tiresiniň ýarysyna

Iordan derýasynyň gündogaryndan
beren mülk ýerleri şulardyr: [9]Arnon jül-
gesiniň gyrasyndaky Arogerden başlap,
şol jülgäniň ortasyndaky gala hem-de
tutuş Meýdeba tekizliginden Dibona çen-
li bolan ýerler. [10]Şeýle hem, Heşbonda
hökümdarlyk eden amor hany Siho-
nyň ähli galalaryndan tä ammonlaryň
araçägine çenli bolan ýerler. [11]Gilgat,
Geşur, Magakat topragy, tutuş Hermon
dagy we bütin Başandan tä Salka çenli
bolan ýerler; [12]Aştarotda we Edreýde
hökümdarlyk eden Başan hany Oguň
ähli hanlygy degişlidir (Og han rapa-
laryň iň soňkularynyň biridi). Musa
bulary derbi-dagyn edip, ýerlerinden
kowup çykarypdy. [13]Emma ysraýyl-
lar Geşuryň we Magakadyň ilatyny
ýurtlaryndan kowup çykarmadylar.
Olar şu güne çenli hem ysraýyllaryň
arasynda ýaşaýarlar. [14]Musa diňe lewi
tiresine mülk bermedi. Rebbiň Musa
aýdyşy ýaly, lewileriň mirasy Ysraýyl
Hudaýy Reb üçin ot üsti bilen berilýän
gurbanlyklardyr.

### *Ruben tiresiniň mülk ýeri*

[15]Musa ruben tiresine onuň urugla-
ryna görä mülk ýer beripdi. [16]Olaryň
ýeriniň tutýan meýdany Arnon jülge-
siniň gyrasyndaky Arogerden, jülgäniň
ortasyndaky galadan we bütin Meý-
deba tekizliginden ybaratdyr. [17]Şeýle
hem, Heşbon galasy we tekizlikdäki
ähli galalar: Dibon, Bamotbagal we
Beýtbagal-megon, [18]Ýahsa, Kedemot
we Meýpagat, [19]Kirýataýym, Sibma
we jülgäniň depesindäki Seretşahar,
[20]Beýtpegor, Pisga dagynyň etegi we
Beýtýeşimot hem şol araçäge degişlidir.
[21]Ruben tiresiniň mülküne Heşbonda
hökümdarlyk eden amor hany Sihonyň
tekizlikdäki ähli galalary we hanlygy
degişlidir. Musa Sihony we ýurdunda
ýaşap, onuň tarapdary bolan Midýan
hanlaryny: Ewini, Rekemi, Sury, Hury
we Rebany basyp aldy. [22]Ysraýyllar öz
öldüren adamlarynyň arasynda Begor
ogly Bilgamy hem gylyç bilen öldürdi-
ler, ol palçylyk bilen meşgullanýardy.
[23]Rubenleriň araçägi Iordan derýasynyň
kenary bolupdyr. Bu rubenleriň urug-
laryna görä galalary we obalary bilen
birlikde alan mülk ýerleri bolupdyr.

### *Gat tiresiniň mülk ýeri*

[24]Ine, Musanyň gat tiresine onuň
uruglaryna görä beren mülk ýerleri:
[25]Ýazer galasy, Gilgadyň ähli galalary
we ammonlaryň ýurdunyň ýarysy, Ra-
banyň gündogaryndaky Arogere çenli;
[26]Heşbondan Ramatmispä we Betonyma
çenli, Mahanaýymdan Debiriň araçägine
çenli; [27]Beýtharam deresi, Beýtnimra
we Sukot, Sapon, heşbon hany Sihonyň
hanlygynyň galan bölegi. Onuň günbatar
araçägi Iordandan Kinneret deňzine çen-
li bolupdyr. [28]Ine, gatlaryň uruglaryna
görä galalary we obalary bilen birlikde
alan mülk ýerleri şulardyr.

### *Gündogardaky manaşa tiresiniň mülk ýeri*

[29]Musa gündogardaky manaşa tiresi-
ne onuň aýry-aýry uruglaryna görä ýer
paýlap beripdi. [30]Olaryň tutýan ýerleri
Mahanaýym, tutuş Başan, Başan hany
Oguň ähli hanlygy, Ýaýyryň ähli galala-
ry – jemi altmyş gala; [31]Gilgadyň ýarysy,
Aştarot we Edreý (Başan hany Oguň
hanlyk eden galalary). Bular Manaşa-
nyň ogly Makyryň nesilleri üçin olaryň
uruglary boýunça berlen paý boldy. [32]Ine,
şular Musanyň Iordan derýasynyň aňyr-
syndaky Mowap düzlüginde, Ýerihonyň
gündogarynda paýlan mülk ýerleridir.

33 Emma Musa lewi tiresine mülk ber-
medi. Söz berşi ýaly, Ysraýyl Hudaýy
Rebbiň Özi olaryň mülküdir.

## 14-nji bap

### *Ysraýyllar ýerleri paýlaşýarlar*

1 Ysraýyllaryň Kenganda alan mülk
ýerleri şulardyr. Ol ýerleri Elgazar ru-
hany, Nunuň ogly Ýeşuwa we ysraýyl
tireleriniň urugbaşylary olara mülk
hökmünde paýlap berdiler. 2 Rebbiň Mu-
sanyň üsti bilen olara buýruşy ýaly, olar
mülk ýerleri dokuz tiräniň we bir sany
ýarym tiräniň arasynda bije atyşmak
bilen paýlaşdylar. 3 Sebäbi Musa iki tirä
we manaşa tiresiniň ýarysyna mülk ýeri
Iordanyň gündogaryndan beripdi, em-
ma lewi tiresine olaryň arasyndan mülk
bermändi. 4 Ýusubyň neslinden manaşa
we efraýym tireleri gelip çykdy. Musa
lewilere ýerden paý bermändi, olara ýa-
şamak üçin diňe galalary, maldarçylyk
we başga emläkleri üçin öri meýdan-
laryny beripdi. 5 Şeýlelikde, ysraýyllar
ýerleri Rebbiň Musa buýruşy ýaly edip
paýlaşdylar.

### *Kalep Hebrony mülk alýar*

6 Ýahuda tiresinden birnäçe adam Ýe-
şuwanyň ýanyna Gilgala geldi. Olaryň
arasyndan Keniziň agtygy Ýepunnäniň
ogly Kalep oňa şeýle diýdi: «Rebbiň
Kadeşbarneýada ikimiz hakda Hudaýyň
adamy Musa aýdan sözlerini bilýänsiň.
7 Rebbiň guly Musa ýeri gizlinlikde göz-
den geçirmek üçin Kadeşbarneýadan
meni iberende, men kyrk ýaşymdadym.
Şonda men oňa ýüregimdäki jogaby ge-
tiripdim. 8 Emma meniň bilen bile giden
doganlarym halkyň ýüregine howsala
saldylar, men bolsam diňe Hudaýym
Rebbiň yzyna eýerdim. 9 Şol gün Musa
kasam edip: „Aýagyňyň basjak ýerleri
seniň we çagalaryňyň hemişelik mülki
bolar, sebäbi sen tutuş kalbyň bilen Hu-
daýym Rebbiň yzyna eýerdiň“ diýipdi.
10 Şeýlelikde, Öz söz berşi ýaly, Reb meni
diri galdyrdy, Rebbiň Musa söz beren
döwründen bäri eýýäm kyrk bäş ýyl
geçipdir. Şol döwür içinde ysraýyllar
çölde sergezdan gezipdiler. Ine, indi
men segsen bäş ýaşadym. 11 Bu günki
gün hem men Musanyň özümi iberen
günündäki ýaly gujurly. Söweşmäge he-
niz hem gujur-gaýratym ýetjek. 12 Şoňa
görä-de, Rebbiň şol günki aýdan bu dag-
lyklaryny maňa ber. Ol ýerde anaklaryň
ýaşaýandygyny, galalarynyň uludygyny
we olaryň berk saklanýandygyny şol gün
özüň hem eşidipdiň. Rebbiň aýdyşy ýaly,
men olary kowup çykararyn, Reb meniň
bilen bile bolar». 13 Ýeşuwa Ýepunnäniň
ogly Kalebe ak pata berdi, oňa mülk ýer
hökmünde Hebrony bagyş etdi. 14 Keni-
ziň agtygy Ýepunnäniň ogly Kalebiň
Ysraýyl Hudaýy Rebbe ýürekden sygy-
nandygy üçin, Hebron onuň hemişelik
mülki bolup galdy. 15 Hebronyň öňki
ady Kirýatarba eken. Arba anaklaryň
arasynda iň beýik adam eken. Şunlukda,
ýer uruşdan dynyp rahatlandy.

## 15-nji bap

### *Ýahuda tiresiniň mülk ýeri*

1 Bije atyşykda ýahuda tiresiniň urugla-
rynyň paýyna şu aşakdaky ýerler düşdi:
günortada olaryň meýdany Edomyň ara-
çägi bilen, günorta Sin çöllügine çenli
baryp ýetýär. 2 Olaryň günorta araçägi
uzalyp gidýän günortadaky aýlaglardan,
Öli deňziň gutarýan ýerinden başlanýar.
3 Soňra ol günorta Içýan geçidine tarap
dowam edip, Sin çölünden geçýär. Ka-
deşbarneýanyň günortasyndan Hesrona

we Addara çykyp, ol ýerden Karka tarap
öwrülýär. 4Soňra Asmondan geçip, Mü-
sür deryasyna çenli uzalyp gidýär we
Ortaýer deňzinde serhet gutarýar. Bu
olaryň günorta araçägi bolar. 5Ýahuda
tiresiniň gündogar araçägi Öli deňiz
bolupdyr. Bu gündogar araçäk demir-
gazyga tarap Iordan derýasynyň Öli
deňze guýýan ýerine çenli uzalyp gidýär.
Demirgazykdaky araçäk Iordanyň deň-
ze guýýan ýerinden, deňiz aýlagyndan
başlanýar. 6Bu ýerden araçäk Beýthogla
çenli baryp, demirgazykda Beýtaraba-
dan geçýär we Ruben ogly Bohanyň
ady dakylan daşa çenli gidýär. 7Soňra
araçäk Akor jülgesinden Debire çenli
ýokary galyp, demirgazykda akymyň
günortasynda ýerleşýän Adummym
baýyrlyklarynyň garşysyndaky Gil-
gala tarap öwrülýär. Araçäk bu ýerden
Eýnşemeş çeşmesine çenli dowam edip,
Eýnrogele ýetýär. 8Bu ýerden araçäk ýa-
buslaryň galasy Iýerusalimde ýerleşýän
düzlügiň günortasyndaky Benhinnom
deresinden ýokary galýar. Soňra ol
Benhinnom deresiniň günbatarynyň
garşysyndaky daglaryň depesine çenli
galyp, demirgazykdaky Rapa jülgesi-
niň ahyryna çenli barýar. 9Daglaryň
gerşinden araçäk Neptowa çeşmesiniň
gözbaşyna tarap aýlanýar. Ol ýerden
hem Epron daglygyndaky galalara tarap
gelýär. Soňra ol Bagala (bu Kirýatýega-
rym) tarap aşak düşýär. 10Soňra serhet
günbatar Bagaladan Segir dagyna tarap
aýlanýar, demirgazykda Kesalon ga-
lanyň Ýegarym daglaryna çenli gidip,
Beýtşemeşe tarap öwrülýär we Tim-
nanyň üsti bilen aýlanyp geçýär. 11Ol
ýerden Ekronyň demirgazyk tarapyna
gidýär we Şikarona tarap aýlanyp, Baga-
la dagynyň üsti bilen Ýabneýele gelýär.
Iň soňunda araçäk Ortaýer deňzinde
gutarýar. 12Ortaýer deňzi we onuň ke-
narlary günbatar araçägi emele getirýär.
Ýahuda tiresiniň uruglarynyň ähli tarap-
laýyn araçägi, ine, şudur.

### *Kalep Hebrony we Debiri basyp alýar*

13Rebbiň buýruşy ýaly, Ýeşuwa ýahuda
tiresiniň mülk ýerindäki Kirýatarbany,
ýagny Hebrony Ýepunnäniň ogly Kalebe
berdi. Bu ýer Anagyň atasynyň hatyra-
syna Kirýatarba diýip atlandyrylypdy.
14Kalep ol ýerden anaklaryň üç urugyny:
Şeşaýy, Ahymany we Talmaýy çykaryp
kowdy. Bular Anagyň nesilleridir. 15Bu
ýerden ol Debiriň ilaty bilen uruşmaga
gitdi. Debire öň Kirýatseper diýilýärdi.
16Kalep: «Ýeňiş gazanyp, Kirýatseperi
basyp alana, gyzym Aksany gelin edip
berjek» diýdi. 17Bu galany Kalebiň do-
gany, Kenazyň ogly Otniýel basyp aldy.
Kalep öz gyzy Aksany oňa berdi. 18Toý
güni Aksa öz kakasynyň ýanyna gidip,
ondan ýer dilemek üçin Otniýelden razy-
lyk aldy. Aksa baryp, eşeginden düşende,
Kalep ondan: «Gyzym, näme dilegiň
bar?» diýip sorady. 19Aksa kakasyna:
«Maňa peşgeş bersene. Sen maňa Negep
çölüniň gurak ýerlerini berdiň, maňa suw
bulaklaryny-da beräý!» diýdi. Şunlukda,
Kalep ýokarky we aşaky çeşmeleri hem
oňa bagyş etdi. 20Ine, ýahuda tiresi öz
uruglaryna görä şu ýerleri mülk edip
aldy: 21Edomyň araçäginiň golaýyn-
daky günorta Negep çölünde olara şu
galalar degişlidir: Kabseýel, Eder, Ýa-
gur, 22Kina, Dimona, Adada, 23Kedeş,
Hasor, Ýytnan, 24Zip, Telem, Begalot,
25Hasorhadat, Kirýothesron (bu Hasor),
26Emom, Şema, Molada, 27Hasarga-
da, Heşmon, Beýtpelet, 28Hasarşugal,
Beýerşeba, Bizýotiýa, 29Bagala, Iýeý,
Esem, 30Eltolat, Kesil, Horma, 31Ziklag,
Madmanna we Sansanna, 32Lewawot,

Şilhim, Aýyn we Rimmon – olaryň
obalary bilen bile jemi ýigrimi dokuz
gala. 33Günbatar baýyrlyklarda: Eştawol,
Sorga, Aşna, 34Zanowa, Eýngannym,
Tapuwa, Eýnam, 35Ýarmut, Adullam,
Soko, Azeka, 36Şagaraýym, Adytaýym,
Gedera, Gederotaýym – obalary bilen
bile jemi on dört gala.

37Senan, Hadaşa, Migdalgat, 38Dilegan,
Mispe, Ýokteýel, 39Lakyş, Boskat, Eglon,
40Kabbon, Lahmas, Kitliş, 41Gederot,
Beýtdagon, Nagama, Makeda. Bular
obalary bilen bile on alty galadyr.

42Libna, Eter, Aşan, 43Ýeftah, Aşna,
Nesiw, 44Kegila, Akzyp, Mareşa – oba-
lary bilen bile dokuz galadyr.

45Ekron galasy we onuň ownukly-irili
obalary, 46Aşdodyň golaýyndaky ähli
galalar we obalar, Ekrondan Ortaýer
deňzine çenli, 47Aşdot galasy we onuň
ownukly-irili obalary, Gaza galasy we
onuň ownukly-irili obalary bilen Müsür
derýasyna we Ortaýer deňziniň kenar-
laryna çenli.

48Daglyklarda: Şamyr, Ýatyr, Soko,
49Danna, Kirýatsanna (bu Debir), 50Anap,
Eştemo, Anym, 51Goşen, Holon, Gi-
lo – obalary bilen bile jemi on bir gala;
52Araw, Duma, Eşgan, 53Ýanum, Beý-
tapuwa, Apege, 54Humta, Kirýatarba
(bu Hebron) we Sigor – obalary bilen
bile dokuz gala; 55Magon, Karmel, Zip,
Ýuta, 56Ýizregel, Ýokdegam, Zanowa,
57Keýn, Gibga, Timna – obalary bilen
bile on gala; 58Halhul, Beýtsur, Gedor,
59Magarat, Beýtanot, Eltekon – obalary
bilen bile jemi alty gala; 60Kirýatbagal
(bu Kirýatýegarym) we Raba – obalary
bilen bile iki gala.

61Çöllükde: Beýtaraba, Midin, Sekaka,
62Nibşan, Duz galasy, Eýngedi – obala-
ry bilen bile jemi alty gala. 63Ýahudalar
Iýerusalimde ýaşaýan ýabuslary kowup
çykaryp bilmediler. Ýabuslar bu günki
gün hem ol ýerde ýahudalar bilen bile
ýaşaýarlar.

## 16-njy bap

### *Efraýym bilen günbatardaky manaşa tireleriniň mülk ýeri*

1Ýusubyň nesilleriniň paýyna bije
boýunça Ýerihonyň golaýyndaky Ior-
dandan Ýeriho çeşmesiniň gündogaryna
çenli bolan ýerler we Ýerihodan başla-
nyp, Beýtel daglygyna uzalyp gidýän
çöllük düşdi. 2Araçäk Beýtelden Luza
çykyp, Atarotda ýaşaýan arklaryň ýe-
rine çenli barýar. 3Soňra ol günbatara
tarap aşak düşüp, ýapletleriň araçägine,
aşaky Beýthoronyň we Gezeriň araçä-
gine çenli gelip, deňizde tamamlanýar.
4Şeýlelikde, manaşa tiresiniň ýarysy we
efraýym tiresi mülk ýerlerini aldylar.

### *Efraýym tiresiniň mülk ýeri*

5Efraýymlaryň uruglaryna görä alan
ýerleriniň araçägi şular bolupdyr: olaryň
mülk ýerleriniň gündogar araçägi Ata-
rotaddar bolup, ol ýokarky Beýthorona
çenli barýar. 6Ol ýerden araçäk Ortaýer
deňzi bilen dowam edip, Mikmetadyň
demirgazygyna gelýär we Tanatşylonyň
gündogar tarapyna öwrülip, Ýanowanyň
gündogaryndan geçýär. 7Ýanowadan
Atarotaddara we Nagara çenli aşak dü-
şüp, Ýeriho birigip, Iordana baryp ýetýär.
8Araçäk Tapuwadan çykyp, günbatara
Kana jülgesine tarap uzalyp gidýär-de,
Ortaýer deňzine ýetip gutarýar. Ine,
efraýym ýarym tiresine olaryň urugla-
ryna görä berlen ýerler şulardan ybarat.
9Efraýym nesillerine bular bilen birlik-
de manaşalara degişli bolan galalardyr
obalar hem bölünip berildi. 10Efraýymlar
Gezerde ýaşaýan kenganlary kowup

çykarmadylar. Kenganlar şu günler hem
efraýymlaryň işini etmäge mejbur edilip,
olaryň arasynda ýaşap ýörler.

### 17-nji bap

***Günbatardaky manaşa tiresiniň mülk ýeri***

1 Şeýle hem, günbatardaky manaşa
tiresi üçin bije atyldy. Manaşa Ýusubyň
nowbahar ogludy. Manaşanyň ilkin-
ji ogly, Gilgadyň kakasy Makyr ökde
urşujy bolandygy üçin, bije boýunça
onuň urugyna Gilgat we Başan berlipdi.
2 Manaşa tiresiniň beýleki uruglary-
nyň: Abygezeriň, Helegiň, Asryýeliň,
Şekemiň, Heperiň we Şemidanyň hem
bije boýunça Iordan derýasynyň günba-
tar tarapynda paýlary bardy. 3 Manaşanyň
ýuwlugy, Makyryň çowlugy, Gilgadyň
agtygy, Heperiň ogly Selophadyň ogul
perzendi ýokdy. Onuň diňe bäş gyzy
bolup, olaryň atlary şulardyr: Mahla,
Noga, Hogla, Milka we Tirsa. 4 Olar
Elgazar ruhanynyň, Nunuň ogly Ýeşu-
wanyň we ýolbaşçylaryň ýanyna gelip,
olara: «Reb Musa agalarymyzyň urug-
lary bilen birlikde bize hem mülk ýer
bermegi buýrupdy» diýdiler. Ýeşuwa
Rebbiň buýrugyna görä, olara hem bäş
agasynyň uruglarynyň arasynda mülk
berdi. 5-6 Şeýlelikde, günbatardaky ma-
naşa tiresine on paý ýer berildi. Sebäbi
Manaşanyň gyz gowluklary hem ogul
gowluklary bilen birlikde mülk aldylar.
Manaşa tiresiniň beýleki uruglaryna
Iordan derýasynyň gündogar tarapynda
mülk berildi.

7 Manaşa tiresiniň Iordan derýasynyň
günbatarynda tutýan meýdany Aşerden
başlap, Mikmetada çenli, ýagny Şekemiň
gündogar tarapyna çenli uzalyp, ol ýer-
den araçäk günorta tarap Eýntapuwanyň
ýaşaýjylaryna çenli ýetýär. 8 Tapuwa ga-
lasynyň daş-töweregi Manaşa degişlidi,
emma Tapuwa galasy efraýymlylara
degişli bolan Manaşanyň araçäginde
ýerleşýärdi. 9 Soňra araçäk Kana aky-
mynyň günorta tarapy bilen aşak düşýär.
Akymyň günortasyndaky galalar Ma-
naşada ýerleşseler-de, Efraýyma degişli
bolupdyr. Manaşanyň araçägi akymyň
demirgazyk tarapynda bolup, ol Or-
taýer deňzinde gutarýar. 10 Günorta
tarap Efraýyma, demirgazyk bolsa
Manaşa degişli bolup, olaryň günbatar
araçägi Ortaýer deňzi bolupdyr. Olaryň
demirgazyk-günbatar tarapy – Aşer, de-
mirgazyk-gündogar tarapy bolsa Ysakar
bolupdyr. 11 Ysakardan we Aşerden
manaşalara obalary bilen Beýtşeýany,
Iblegamy, şeýle-de Doruň (bu deňiz
kenarynda), Endoruň, Tagnagyň, Me-
gidonyň ilatyny we obalaryny berdiler.
12 Manaşalar ol galalaryň ýaşaýjylaryny
kowup çykaryp bilmediler we kengan-
lar öz ýerlerinde galyp, ýaşamaklaryny
dowam etdirdiler. 13 Ysraýyllar güýçle-
nenden soňra, kenganlary özleri üçin
mejbury iş edýänlere öwürdiler. Emma
olary bütinleý kowup çykarmadylar.

***Efraýym we manaşa tireleri ýer soraýarlar***

14 Ýusubyň nesilleri Ýeşuwa: «Näme
üçin sen bize bir bije paý we bir mülk
ýer berýärsiň? Biziň bolsa adam sany-
myz köp, bizi Reb ýalkady» diýdiler.
15 Ýeşuwa olara: «Eger siziň adam sany-
ňyz köp bolsa we Efraýym daglyklary
size darlyk edýän bolsa, onda tokaýlara
gidiň-de, şol ýerde perizleriň we rapa-
laryň ýerinden özüňize ýer açyň» diýdi.
16 Ýusubyň nesilleri oňa: «Bu daglyk
meýdanlar biziň üçin ýeterlik däl. Düz-
lükde ýaşaýan ähli kenganlaryň, şeýle

hem, Beýtşeýanda, onuň obalarynda
we Ýizregel jülgesinde ýaşaýanlaryň
demir söweş arabalary bar» diýdiler.
17 Soňra Ýeşuwa Ýusubyň nesilleri bolan
manaşalara we efraýymlara ýüzlenip,
şeýle diýdi: «Siz köp sanly we sizde uly
güýç bar, şonuň üçin hem size diňe bir
bije paý berip goýmaly däldir. 18 Daglyk
meýdanlar siziňki bolar. Ol ýer tokaýlyk
bolsa-da, siz ony arassalasaňyz, onuň
daşky serhetlerine çenli siziňki bolar.
Kenganlaryň demir söweş arabalary
bar bolsa-da, güýçli bolsalar-da, siz
olary kowup çykarmagy başararsyňyz».

### 18-nji bap

#### *Galan ýerleriň paýlanylyşy*

1 Tutuş ysraýyl jemagaty Şiloda
ýygnanyşdy we ol ýerde Rebbe ýüz
tutulýan çadyr guruldy. Çünki ähli ýer-
ler ysraýyllara tabyn bolupdy. 2 Entek
ysraýyllardan öz mülk ýerini almadyk
ýene-de ýedi tire galypdy. 3 Şonuň üçin
hem Ýeşuwa olara şeýle diýdi: «Siz ha-
çana çenli ata-babalaryňyzyň Hudaýy
Rebbiň özüňize beren ýerlerini almaga
biperwaý garap gezjeksiňiz? 4 Her tire-
den üç adamy saýlaň, men olary ýerlere
aýlanmaga iberjek, olar her tirä ýetýän
mülk ýeri ýazga geçirsinler-de, meniň
ýanyma alyp gelsinler. 5 Ýerleri mülk
paýyny almadyk ýedi tiräniň arasynda
bölsünler. Ýahudalar öz öňki ýerin-
de günortada galar, Ýusubyň nesilleri
bolsa demirgazykdaky ýerinde galar.
6 Mülk ýeriň ýedi bölegini hem ýazga
geçiriň-de, maňa getirip beriň. Men şu
ýerde Hudaýymyz Rebbiň huzurynda
siziň üçin bije ataryn. 7 Siziň araňyzda
lewileriň paýy ýokdur, sebäbi olaryň
paýy Rebbe ruhany hökmünde gulluk
etmekdir. Gatlar, rubenler we manaşa
tiresiniň ýarysy eýýäm öz mülk ýerle-
rini Iordan derýasynyň gündogaryndan
aldylar. Bu ýerleri olara Rebbiň guly
Musa beripdi». 8 Şeýdip, adamlar ýola
düşdüler. Ýeşuwa ýerleri öwrenmäge
gidýän ol adamlara şeýle buýruk berdi:
«Ähli ýerleri aýlanyp çykyň we ony
ýazga geçiriň-de, yzyňyza meniň ýany-
ma geliň. Men bu ýerde Şiloda Rebbiň
huzurynda siziň üçin bije atjakdyryn».
9 Şeýlelikde, adamlar ýerleriň içinden
geçip, olary galama-gala ýedi bölege
bölüp, gözden geçiriş kitabyna ýazdylar.
Soňra olar Şilodaky düşelgä – Ýeşuwa-
nyň ýanyna gaýdyp geldiler. 10 Ol ýerde
Ýeşuwa Rebbiň huzurynda bije atyp,
ýerleri ysraýyllaryň tirelerine özleriniň
bölüşleri ýaly paýlady.

#### *Benýamin tiresiniň mülk ýeri*

11 Ilkinji bolup, benýamin tiresiniň
uruglarynyň bijesi çykdy. Olaryň
bijesine düşen paý ýahudalar bilen Ýusup
nesilleriniň aralygyndaky ýerler boldy.
12 Olaryň araçäginiň demirgazyk tara-
py Iordan derýasyndan başlanýar, soň
araçäk demirgazykda Ýeriho gerşine
çykyp, daglyklaryň üsti bilen günbatar
tarapa öwrülip, Beýtawen çöllüginde
gutarýar. 13 Bu ýerden araçäk ilerligine
Luzuň (bu öňki Beýtel) günorta gerşine
çenli gelýär. Soňra aşaky Beýthoronyň
günortasyndaky daglykdan Atarotad-
dara düşýär. 14 Soňra ol ýerden aýlanyp,
daglaryň günbatar tarapyna öwrülýär,
ýahudalara degişli bolan Kiryatbaga-
la (öňki Kiryatýegarym) gelýär. Bu
olaryň günbatar tarapynyň araçägidir.
15 Günorta araçäk Kiryatýegarymyň
çetinden başlap, Neptowa çeşmesi-
ne çenli gelip ýetýär. 16 Soňra araçäk
Benhinnom deresiniň ýanyndaky dag-
laryň etegine çenli aşak düşüp, Rapa

deresine gelýär. Ol demirgazyga Hin-
nom deresine tarap aşak dowam edip,
ýabuslaryň galasynyň günorta eňňidi
bilen Eýnrogele baryp ýetýär. 17 Indi
bolsa araçäk demirgazykdan aýlanyp,
Eýnşemeşe gelýär. Soňra Adummym
geçidiniň garşysyndaky Geliloda çenli
uzalyp, Ruben ogly Bohanyň daşyna
tarap aşak düşýär. 18 Soňra Beýtarabanyň
demirgazyk eňňidi bilen geçip, Araba
düzlügine tarap aşak düşýär. 19 Araçäk
Beýthoglanyň demirgazygy bilen gidip,
Öli deňziň demirgazyk aýlagynda we
günortada Iordanyň çetinde gutarýar.
Bu olaryň günorta araçägi bolupdyr.
20 Olaryň gündogar araçägi Iordan bo-
lupdyr. Bu benýamin tiresiniň uruglary
boýunça ähli taraplaýyn araçäklenen
mülk ýerleri bolupdyr. 21 Ine, bular bolsa
benýamin tiresiniň uruglary boýunça
alan galalary: Ýeriho, Beýthogla, Emek-
kesis, 22 Beýtaraba, Samaraýym, Beýtel,
23 Awym, Para, Opra, 24 Kepar-ammony,
Opny, Geba – obalary bilen bile jemi
on iki gala. 25 Gibgon, Rama, Beýerot,
26 Mispa, Kepira, Mosa, 27 Rekem, Ýir-
peýel, Tarala, 28 Sela, Haýelep, Ýabus
galasy (bu – Iýerusalim), Gibga we
Kirýatýegarym – obalary bilen bile
on dört gala. Bu benýamin tiresiniň
öz uruglaryna görä alan mülk ýeridir.

## 19-njy bap

### *Şimgon tiresiniň mülk ýeri*

1 Ikinji gezek şimgon tiresiniň urugla-
rynyň bijesi çykdy. Olaryň mülki ýahuda
tiresiniň mülk ýeriniň içinden düşdi.
2 Şimgon tiresiniň mülk ýerleri şular
bolupdyr: Beýerşeba, Şeba, Molada,
3 Hasarşugal, Bala, Esem, 4 Eltolat, Betul,
Horma, 5 Ziklag, Beýtmarkabot, Hasar-
susa, 6 Beýtlebaot, Şaruhen – obalary
bilen bile on üç gala. 7 Aýyn, Rimmon,
Eter, Aşan – obalary bilen bile dört gala.
8 Bagalatbegeriň we Negep çölündäki
Ramanyň daş-töweregindäki obalar hem
şoňa girýärdi. Bularyň bary Şimgon
tiresiniň öz uruglaryna görä alan mülk
ýerleridir. 9 Şimgon tiresine mülk ýer
ýahudalaryň paýyndan bölünip berildi.
Ýahudalaryň ýer paýlarynyň özlerinden
artykdygy sebäpli, şimgon tiresi mülk
ýerini olaryň paýyndan aldy.

### *Zebulun tiresiniň mülk ýeri*

10 Üçünji gezek zebulun tiresiniň
uruglarynyň bijesi çykdy. Olaryň mülk
ýeriniň araçägi Saryda çenli uzalýar.
11 Araçäk günorta Margala çenli gidip,
Dabbeşede baryp ýetýär we Ýoknega-
myň gündogar akymyna gelýär. 12 Soň
Saryddan yzyna gaýdyp, Günüň dog-
ýan tarapyna Kislot-tabora gelýär. Ol
ýerden Daberada gelip, Ýapyýa tarap
ýokary çykýar. 13 Ol ýerden gündogara
Gathepere we Etkazyna tarap geçýär,
soňra Rimmona tarap dowam edip, Nega
tarap öwrülýär. 14 Demirgazyk araçäk
Hannatona tarap aýlanyp, Ýyptahel
jülgesinde gutarýar. 15 Katat, Nahalal,
Şimron, Ýydala, Beýtullaham – oba-
lary bilen bile on iki gala. 16 Ine, bular
Zebulun tiresiniň uruglary boýunça
alan mülk ýeri, olaryň galalary we
obalarydyr.

### *Ysakar tiresiniň mülk ýeri*

17 Dördünji gezek ysakar tiresiniň
uruglarynyň bijesi çykdy. 18 Olaryň ýe-
rine şular degişlidir: Ýizregel, Kesullot,
Şunem, 19 Haparaýym, Şiýon, Anaharat,
20 Rabyt, Kişýon, Ebes, 21 Remet, Eýngan-
nym, Eýnhadda, Beýtpazzes. 22 Araçäk
Tabora, Şahasuma, Beýtşemeşe ýanaşyp,
Iordanda gutarýar – obalary bilen bile

alty gala. 23 Ine, bular Ysakar tiresiniň
uruglary boýunça alan mülk ýerleri,
galalary we obalarydyr.

### *Aşer tiresiniň mülk ýeri*

24 Bäşinji gezek aşer tiresiniň urug-
larynyň bijesi çykdy. 25 Olaryň araçägi
Helkat, Haly, Beten, Akşap, 26 Alam-
melek, Amat, Mişal; günbatar Karmel
dagyna çenli we Şihorlybnat galasy-
na çenli baryp ýetýär. 27 Soňra araçäk
yzyna gündogara Beýtdagona tarap
aýlanyp, Zebuluna, Ýyptahel jülgesine,
demirgazykda Beýtemege we Negiýele
barýar. Soňra ol demirgazykda Kabula,
28 Ebrona, Rehoba, Hammona, Kana
we Beýik Sidona çenli dowam edýär.
29-30 Şundan soň serhet Rama öwrülip,
berk Sur galasyna gelýär we ýene-de
yzyna Hosa tarap aýlanyp, Ortaýer
deňzinde gutarýar. Olaryň ýerlerine
Mahalap, Akzyp, Umma, Apek, Rehop
ülkeleri hem degişlidir. Olar obalary bi-
len bile jemi ýigrimi iki galadyr. 31 Aşer
tiresiniň uruglary boýunça alan mülk
ýerleri, galalary we obalary, ine, şular-
dan ybaratdyr.

### *Naftaly tiresiniň mülk ýeri*

32 Altynjy gezek naftaly tiresiniň
uruglarynyň bijesi çykdy. 33 Olaryň ara-
çägi Helepden, Sagానannymdaky dub
tokaýlaryndan, Adamynekepden we
Ýabneýelden Lakkuma çenli gelip, ol
Iordanda gutarýar. 34 Serhet günbatara
Aznottabora öwrülip, soň Hukoga barýar,
günorta tarapdan Zebuluna, günbatar
tarapdan bolsa Aşere we gündogar tarap-
dan Iordanyň ýakasynda bolan Ýahuda
ýanaşýar. 35 Olara degişli bolan berk
galalar şulardyr: Siddim, Ser, Hammat,
Rakat, Kinneret, 36 Adama, Rama, Ha-
sor, 37 Kedeş, Edreý, Eýnhasor, 38 Ýyron,
Migdalel, Horem, Beýtanat we Beýtşe-
meş – obalary bilen bile on dokuz gala.
39 Bu bolsa naftaly tiresiniň uruglaryna
görä düşen mülk ýerleri, galalary we
obalarydyr.

### *Dan tiresiniň mülk ýeri*

40 Ýedinji gezek dan tiresiniň urug-
larynyň bijesi çykdy. 41 Olaryň paýyna
düşen mülk ýerler şulardan ybarat:
Sorga, Eştawol, Irşemeş, 42 Şagalbyn,
Aýalon, Ýytla, 43 Eýlon, Timna, Ekron,
44 Elteke, Gibeton, Bagalat, 45 Ýehut, Be-
neýberak, Gatrimmon, 46 Meýýarkon
we Ýafonyň garşysyndaky ýerler bilen
Rakon. 47 Emma dan tiresine öz ýerle-
rini eýelemek agyr düşdi, olar Leşeme
garşy söweşe çykyp, ony basyp aldylar.
Olary gylyçlap öldürip, ýerlerini öz-
lerine mülk edip aldylar we ol ýerde
ýerleşdiler. Olar Leşeme Dan diýip,
atalary Danyň adyny goýdular. 48 Ine,
bu bolsa dan tiresiniň uruglary boýun-
ça alan mülk ýerleri, olaryň galalary
we obalarydyr.

### *Ýer paýlamak işi tamamlanýar*

49 Mülk ýerleri araçäkläp bölüp
gutaranlaryndan soň, ysraýyllar öz
aralaryndan Nunuň ogly Ýeşuwa mülk
paý berdiler. 50 Olar oňa Rebbiň buýrugy
boýunça Efraýym daglygyndaky Tim-
natserah galasyny berdiler. Bu galany
onuň özi sorapdy. Ýeşuwa bu galany
täzeden gurup, ol ýerde ornaşdy. 51 Ine,
şular Elgazar ruhanynyň, Nunuň og-
ly Ýeşuwanyň we Ysraýyl tireleriniň
urugbaşylarynyň Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň girelgesinde, Şiloda Rebbiň
huzurynda Ysraýyl tirelerine bije bo-
ýunça paýlap beren mülk ýerleridir.
Şeýlelik bilen, olar ýerleri paýlamak
işini tamamladylar.

## 20-nji bap

***Gaçybatalga galalary***
*(Kanun taglymaty 19:1-13;*
*Çölde 35:6-34)*

1Reb Ýeşuwa şeýle diýdi: 2«Ysraýyl-
lara aýt: Men size Musanyň üsti bilen
gaçybatalga galalary barada aýdypdym.
Şolaryň haýsy galalar bolmalydygyny
siz öz araňyzda kesgitläň. 3Tötänlikden
ýa-da ýalňyşlyk bilen adam öldüren
ganhor ol ýere gaçyp, özüni gorap biler.
Goý, ol galalar ganhorlar üçin öldüri-
leniň hossaryndan gaçybatalga bolsun.
4Kimde-kim şol galalaryň birine gaçyp
barsa, ol adam galanyň girelgesinde,
derwezäniň agzynda durup, şol galanyň
ýaşulularyna eşitdirip, öz ýagdaýyny
habar bersin. Olar ol adamy öz ýaşaý-
jylarynyň biri hökmünde kabul edip,
oňa öz aralarynda galada ýaşamaga
orun bererler. 5Eger-de onuň yzyndan
öldürileniň hossary ar almak üçin gel-
se, onda galadaky ýaşulular ganhory
onuň eline bermeli däldirler, sebäbi
ganhor onuň ýakynyny bilkastlaýyn
öldürmändir. Öldüren adamy bilen onuň
öň hiç hili duşmançylygy bolmandyr.
6Jemagat üýşüp, ganhor barada hököm
çykarýança we tä şol wagtky baş ruhany
ölýänçä, goý, ol şol galada ýaşabersin.
Soňra ol gaçyp gaýdan galasyna, öz
öýüne dolanyp biler». 7Şeýlelik bilen,
olar Naftaly daglygynda Jelilede Kedeş
galasyny, Efraýym daglygynda Şekemi
we Ýahuda daglygynda Kiryatarbany
(Hebrony) bellediler. 8Şeýle hem Ior-
dan derýasynyň aňyrsyndan Ýerihonyň
gündogarynda olar ruben tiresinden
düzlükdäki çölde ýerleşýän Beseri, gat
tiresinden Gilgatdaky Ramody, manaşa
tiresinden Başandaky Golany bellediler.
9Bu galalar ähli ysraýyllar we olaryň
arasynda ýaşaýan gelmişekler üçin ga-
çybatalga hökmünde bellenildi. Adamy
tötänlikde öldüren ganhor şol galalara
gaçyp baryp, ondan ar almakçy bolýan
hossarlardan başyny gutaryp biler. Je-
magat maslahatlaşyp, adalatly hököm
çykarýança, ol ganhor şol galada howp-
suzlykda ýaşap biler.

## 21-nji bap

***Lewilere berlen galalar***

1Lewi tiresiniň ýolbaşçylary Elgazar
ruhanynyň, Nunuň ogly Ýeşuwanyň we
ähli Ysraýyl tireleriniň urugbaşylarynyň
ýanyna geldiler. 2Lewiler Kengan ýur-
dunyň Şilo galasyna gelip, olara: «Reb
bize ýaşamak üçin galalar we iri şahly
mallarymyz üçin öri meýdanlar ber-
megi Musa arkaly buýrupdy» diýdiler.
3Şeýlelikde, Rebbiň buýrugy boýunça
ysraýyllar lewilere öz mülk ýerlerinden
şu aşakdaky galalary we öri meýdanla-
ryny berdiler. 4Ilkinji kohat urugynyň
bijesi çykdy. Lewilerden bolan Harun
ruhanynyň nesillerine bije boýunça ýa-
huda, şimgon we benýamin tirelerinden
saýlanyp, on üç gala berildi. 5Beýle-
ki galan kohat urugyna bije boýunça
efraýym, dan tirelerinden we günbatar-
daky manaşa tiresinden on gala berildi.
6Gerşon urugy hem bije atyşykda ysakar,
aşer, naftaly tirelerinden we Başandaky
manaşa tiresinden özlerine on üç gala
aldylar. 7Merary urugy özlerine ruben,
gat we zebulun tirelerinden on iki gala
aldylar. 8Şeýlelikde, ysraýyllar Rebbiň
Musanyň üsti bilen buýruşy ýaly, bu
galalary öri meýdanlary bilen birlikde
lewilere bije boýunça paýlap berdiler.
9-10Ysraýyllar lewilerden bolan kohat
urugyndan Harunyň nesillerine ýahuda

we şimgon tireleriniň haýsy galalaryny
bermelidigini kesgitlediler, sebäbi olaryň
bijesi birinji çykypdy. 11 Ysraýyllar olara
Kirýatarbany (Arba Anagyň kakasydy)
beripdirler. Bu Ýahuda daglygyndaky
Hebron galasy bolupdyr, onuň daş-tö-
weregini öri meýdan tutýar. 12 Emma
galanyň ýakynyndaky açyk meýdanla-
ryny we onuň obalaryny bolsa Ýepunne
ogly Kalep mülk ýer hökmünde alypdy.
13 Harun ruhanynyň nesillerine gan-
horlar üçin gaçybatalga bolan Hebron
galasyny we Libnany, 14 Ýatyry, Eşte-
mowany, 15 Holony, Debiri, 16 Aýyny,
Ýutany, Beýtşemeşi, olaryň her biriniň
öri meýdanlary bilen bile bu iki tireden
jemi dokuz gala berdiler. 17 Olar benýa-
min tiresinden hem şu galalary aldylar:
Gibgony, Gebany, 18 Anatody we Almony,
olaryň hersiniň öri meýdanlary bilen bile
jemi dört gala. 19 Şu sanalan on üç gala
öri meýdanlary bilen bile Harun ruha-
nynyň nesillerine berildi. 20 Lewileriň
kohat nesliniň galan bölegi bije boýun-
ça efraýym tiresinden galalar aldylar.
21 Olar ganhorlar üçin gaçybatalga bolan,
Efraýym daglygyndaky Şekem gala-
syny, şeýle hem Gezeri, 22 Kibsaýymy,
Beýthorony öri meýdanlary bilen bile
olara berdiler. Bular jemi dört galadyr.
23 Olar dan tiresinden Elteke, Gibeton,
24 Aýalon we Gatrimmon galalaryny
öri meýdanlary bilen bile aldylar. Bular
jemi dört galadyr. 25 Olara günbatardaky
manaşa tiresinden şu galalary: Tagnagy,
Gatrimmony – jemi iki galany öri meý-
danlary bilen bile berdiler. 26 Şu ýokarda
sanalan on gala, öri meýdanlary bilen
birlikde kohat nesilleriniň galan bölegi-
ne berildi. 27 Lewileriň gerşon urugyna
gündogardaky manaşa tiresinden gan-
horlar üçin gaçybatalga bolan Başandaky
Golan galasy we Beýeşterag – jemi iki
gala, olaryň öri meýdanlary bilen bile
berildi. 28 Ysakar tiresinden bolsa olara
Kişýon, Daberat, 29 Ýarmut, Eýngannym
galalaryny – jemi dört galany olaryň öri
meýdanlary bilen bile aldylar. 30 Aşer
tiresinden olara Mişal, Abdon, 31 Helkat
we Rehop galalary – jemi dört gala her-
siniň öri meýdanlary bilen bile berildi.
32 Olara naftaly tiresinden ganhorlar üçin
gaçybatalga bolan, Jeliledäki Kedeş
galasy, şeýle hem Hammotdor, Kartan
galalary – jemi üç gala öri meýdanlary
bilen bile berildi. 33 Şu sanalan on üç ga-
la, olaryň öri meýdanlary bilen birlikde
gerşon urugyna berildi.

34 Lewileriň galan merary urugyna
bolsa zebulun tiresinden galalar beril-
di. Olara Ýoknegam, Korta, 35 Rimmon,
Nahalal galalary – jemi dört gala her-
siniň öri meýdanlary bilen bile berildi.
36 Ruben tiresinden olara Beser, Ýahsa,
37 Kedemot, Meýpagat galalary – jemi
dört gala hersiniň öri meýdanlary bi-
len bile berildi. 38 Gat tiresinden olara
ganhorlara gaçybatalga edilip bellenen
Gilgatdaky Ramot galasy we Maha-
naýym, 39 Heşbon, Ýazer galalary öri
meýdanlary bilen bile berildi. Bular
jemi dört galadyr. 40 Şeýlelikde, lewile-
riň galan merary urugynyň paýyna bije
boýunça jemi on iki gala düşdi. 41 Ys-
raýyllardan lewilere mülk hökmünde
berlen galalaryň jemi öri meýdanlary
bilen birlikde kyrk sekiz boldy. 42 Şol
galalaryň her biriniň daş-töweregini öri
meýdan gurşap alýardy. Öri meýdansyz
ýekeje-de gala ýokdy.

43 Ine, Reb ysraýyllaryň ata-babalaryna
ant içip söz beren ýeriniň ählisini olara
berdi. Olar bu ýerleri eýeläp, ol ýerde
ýaşadylar. 44 Reb olaryň ata-babalaryna
söz berşi ýaly, olara ähli tarapdan para-
hatçylyk berdi. Olaryň duşmanlarynyň

ýekejesi hem olaryň öňünde durup bilme-
di. Reb olaryň duşmanlaryny öz ellerine
berdi. 45Rebbiň Ysraýyl nesillerine beren
ajaýyp wadalaryndan ýekeje sözi hem
ýerine ýetmän galmady. Olaryň ählisi
hakykat ýüzünde berjaý boldy.

## 22-nji bap

### *Gündogar tireler öz mülklerine dolanýarlar*

1Soňra Ýeşuwa ruben, gat tirelerini
we gündogardaky manaşa tiresini ýa-
nyna çagyryp, 2olara şeýle diýdi: «Siz
Rebbiň guly Musanyň buýruklaryny
ýerine ýetirdiňiz we meniň ähli tabşy-
ryklaryma boýun bolduňyz. 3Bütin şol
wagtyň dowamynda siz doganlaryňyzy
şu güne çenli ýeke taşlamadyňyz we öz
Hudaýyňyz Rebbiň buýruklaryny dykgat
bilen ýerine ýetirdiňiz. 4Ine, Hudaýyňyz
Reb siziň doganlaryňyza söz berşi ýaly,
olara parahatçylyk berdi. Şonuň üçin
hem, indi siz öz öýleriňize, ýagny Reb-
biň guly Musanyň Iordan derýasynyň
beýleki tarapynda size beren ýerlerine
eýelik etmäge dolanyp baryň. 5Emma
Rebbiň guly Musanyň size beren buý-
ruklaryny we kanunyny doly berjaý
ediň. Hudaýyňyz Rebbi söýüň, ähli
ýerde Onuň ýolundan ýöräň, tabşyryk-
laryny ýerine ýetiriň, Oňa bil baglaň
we bütin ýüregiňiz bilen jan-tenden
Oňa gulluk ediň». 6Soňra ak pata berip,
Ýeşuwa olary ugratdy we olar öz öýle-
rine gaýtdylar. 7Ine, manaşa tiresiniň
ýarysyna Musanyň Başanda beren ýeri,
emma Ýeşuwa beýleki ýarysyna Iordan
derýasynyň demirgazyk tarapynda, öz
doganlarynyň arasyndan berdi. Şeý-
lelikde, olara ak pata berip, öýlerine
ugratdy. 8Ýeşuwa olara: «Uly baýlyk
bilen, süri-süri mal bilen, altyn-kümüş
bilen, mis-demir bilen, köp egin-eşik
bilen yzyňyza dolanyň. Duşmanlary-
ňyzy ýeňip, olardan alan oljalaryňyzy
öz doganlaryňyz bilen paýlaşyň» diýdi.
9Şeýlelikde, ruben, gat tireleri we gün-
dogardaky manaşa tiresi Kenganyň Şilo
galasyndaky beýleki ysraýyllary taşlap,
Gilgada tarap, Rebbiň Musanyň üsti
bilen olara beren mülk ýerlerine eýelik
etmäge yzlaryna gaýtdylar.

### *Iordanyň ýanyndaky gurbanlyk sypasy*

10Ruben, gat tireleri we gündogardaky
manaşa tiresi Kenganda Iordanyň gola-
ýyna gelip, derýanyň ýakasynda äpet bir
gurbanlyk sypasyny bina etdiler. 11Ine,
rubenleriň, gatlaryň we gündogardaky
manaşa tiresiniň Kenganyň araçäginde,
Iordanyň boýunda, ysraýyllaryň tara-
pynda gurbanlyk sypasyny gurandyklary
baradaky habar ysraýyl halkyna gelip
ýetdi. 12Bu täzeligi eşidenlerinde, tutuş
ysraýyl jemagaty Şiloda bir ýere ýygna-
nyp, olara garşy söweşmäge aýaga galdy.
13Soňra ysraýyllar Gilgada tarap – ru-
benleriň, gatlaryň we gündogardaky
manaşa tiresiniň üstüne Elgazar ruha-
nynyň ogly Pinehasy iberdiler. 14Onuň
bilen bile on sany ýolbaşçy hem gitdi.
Olar ysraýylyň her tiresinden saýlanyp,
hersi ysraýyl uruglarynyň baştutanydy-
lar. 15Olar Gilgada – rubenleriň, gatlaryň
we gündogardaky manaşa tiresiniň ýany-
na gelip, olara şeýle diýdiler: 16«Rebbiň
tutuş jemagaty şeýle diýýär: „Bu nähili
dönüklik? Siz Ysraýyl Hudaýy Rebbiň
garşysyna çykdyňyzmy? Siz Rebbe gul-
luk etmekden ýüz öwürdiňizmi? Siz
öz gurbanlyk sypaňyzy gurup, Rebbe
garşy baş göterýäňizmi? 17Biziň üçin
Pegoryň kanuny bozany azmy näme?
Çünki ol Rebbiň jemagatyna gyrgyn

keselini getirdi. Biz entekler hem ondan
tämizlenip bilemzok. 18 Siz bolsa bu gün
Rebden boýun towladyňyz! Eger siz
bu gün Rebbe baş göterseňiz, ertir Ol
tutuş ysraýyl jemagatyna göz görkezer.
19 Eger siziň mülk ýerleriňiz päk bolma-
sa, onda Rebbiň topragyna – mukaddes
çadyryň duran ýerine geçiň-de, mülk
ýeriňizi biziň aramyzdan alyň. Emma
biziň Hudaýymyz Rebbiň gurbanlyk
sypasyndan başga öz gurbanlyk sypa-
ňyzy gurup, Rebbe we bize garşy baş
götermäň. 20 Ýadyňyzdamy, Zeranyň
çowlugy Akan Rebbe aýry goýlan zat-
lardan ogurlap, dönüklik edipdi. Munuň
üçin bolsa jeza tutuş ysraýyl jemagaty-
nyň üstünden indi. Bu günä üçin onuň
diňe ýeke özi ölmändi“». 21 Ruben, gat
tireleri we gündogardaky manaşa tiresi
Ysraýyl tireleriniň urugbaşylaryna şeýle
jogap berdiler: 22 «Reb hudaýlaryň Hu-
daýydyr! Reb hudaýlaryň Hudaýydyr!
Ol bilýändir, goý, ysraýyl halky hem
bilsin: eger biz Rebbe boýun egmezlik
ýa-da dönüklik eden bolsak, siziň bu gün
bize rehimiňiz inmesin! 23 Eger biz gur-
banlyk sypamyzy Rebbi ret etmek üçin
guran bolsak, onuň üstünde ýakma gur-
banlygyny ýa galla sadakasyny, ýa-da
salamatlyk gurbanlygyny bermek üçin
guran bolsak, onda Rebbiň Özi bize berk
jeza bersin. 24 Hakykatda bolsa, biz muny
ätiýaçlyk üçin etdik, sebäbi wagt geler,
şonda siziň nesilleriňiziň biziň nesille-
rimizden: „Ysraýyl Hudaýy Reb bilen
siziň näme işiňiz bar?“ diýip sorarlar.
25 Reb Iordan derýasyny biziň bilen siziň
araňyzda araçäk edip goýdy. Siziň Rebde
hiç hili paýyňyz ýok diýmezlikleri üçin,
şeýle hem, siziň nesilleriňiz biziňkilere
Rebbe sežde etmäge ýol goýar ýaly, 26 biz
öz gurbanlyk sypamyzy gurmagy ýüre-
gimize düwdük. Bu ýakma gurbanlygy
üçin hem däl, mal sadakasy üçin hem
däl. 27 Emma bu siz bilen biziň we soň-
ky nesillerimiziň arasynda subutnama
bolmagy üçindir. Munda biz öz ýakma
gurbanlyklarymyz, mal sadakalarymy-
zy we salamatlyk gurbanlyklarymyzy
bermek bilen Rebbiň öňündäki borçlary-
myzy Onuň huzurynda ýerine ýetireris.
Wagt gelende, siziň nesilleriňiz biziň
nesillerimize: „Siziň Rebde paýyňyz
ýok“ diýip, hiç haçan aýdyp bilmezler.
28 Şeýle hem, biz belli bir netijä geldik,
haçan hem bolsa bir wagt olar bize we
biziň nesillerimize şeýle diýäýseler, biz
olara: „Ata-babalarymyzyň Rebbe guran
bu gurbanlyk sypasynyň nusgasyna se-
rediň, bu ýakma gurbanlygy ýa-da mal
sadakasy üçin däl-de, siz bilen biziň
aramyzda subutnama bolmagy üçindir“
diýeris. 29 Mukaddes çadyryň öňünde
duran Hudaýymyz Rebbiň gurbanlyk
sypasyndan başga üýtgeşik gurban-
lyk sypasyny gurmak we onda ýakma
gurbanlygyny, galla sadakasyny ýa-da
mal sadakasyny berip, Rebbi äsger-
mezlik edip, Ony ret etmeklik bizden
daş bolsun!»

30 Pinehas ruhany we onuň bilen gelen
jemagat baştutanlary, Ysraýyl tireleri-
niň urugbaşylary rubenleriň, gatlaryň
we gündogardaky manaşa tiresiniň aý-
danlaryny eşidenlerinde, bu sözlerden
hoşal boldular. 31 Elgazar ruhanynyň
ogly Pinehas rubenlere, gatlara we gün-
dogardaky manaşa tiresine: «Häzir biz
Rebbiň öz aramyzdadygyny bilýäris,
sebäbi siz Rebbe garşy dönüklik et-
mänsiňiz, gaýtam, siz bütin ysraýyl
halkyny Rebbiň jezalandyrmagyndan
halas etdiňiz» diýdi.

32 Şundan soň Pinehas we ýolbaşçylar
rubenleri we gatlary Gilgatda galdy-
ryp, öz ýurduna dolanyp geldiler we

ysraýyllara olaryň aýdanlaryny gür-
rüň berdiler. 33 Şeýlelikde, ysraýyllar
olaryň eden işinden hoşal boldular we
Hudaýa alkyş aýtdylar. Şundan soň olar
rubenleriň we gatlaryň ýaşaýan ýerle-
rine çozup, olar bilen uruş etmek we
olary tozdurmak hakynda kelam agyz
söz aýtmadylar. 34 Rubenler we gatlar
gurbanlyk sypasyna «Subutnama» di-
ýip at berdiler. Olar: «Çünki bu biziň
aramyzda Rebbiň Hudaýdygynyň su-
butnamasydyr» diýdiler.

### 23-nji bap

***Ýeşuwanyň hoşlaşyk sözi***

1 Rebbiň ysraýyllara daş-töweregin-
däki ähli duşmanlaryndan parahatçylyk
bereninden bäri köp wagt geçipdi we
Ýeşuwanyň hem ýaşy birçene baryp,
gojalyk ýaşyna ýetipdi. 2 Ýeşuwa äh-
li ysraýyllary, olaryň ýaşulularyny,
baştutanlaryny, kazylaryny we ýol-
başçylaryny ýanyna çagyryp, olara
şeýle diýdi: «Indi meniň köpüm ge-
çip, azym galdy. 3 Hudaýyňyz Rebbiň
siziň bähbidiňiz üçin bu milletleriň
baryny nähili güne salandygyna özüňiz
gözli şaýatsyňyz. Siziň üçin söweşen
Hudaýyňyz Rebbiň hut Özüdir. 4 Ýa-
dyňyzdadyr, men bu milletleriň we
basyp alan beýleki milletlerimiň ähli
ýerlerini, Iordan derýasyndan Orta-
ýer deňziniň günbataryna çenli bolan
aralygy siziň tireleriňize bije boýunça
mülk edip paýlap berdim. 5 Hudaýyňyz
Rebbiň Özi olary yza serpikdirip, siziň
öňüňizden kowup çykarar. Hudaýyňyz
Rebbiň size söz berşi ýaly, siz olaryň
ýerlerini eýelärsiňiz. 6 Şonuň üçin hem
Musanyň Kanun kitabyndaky ýazy-
lanlaryň baryna boýun egip, ony doly
ýerine ýetirmekde örän mert duruň.
Ondan hiç ýana sowulmaň. 7 Araňyzda
galyp, ýaşap ýören bu gelmişek milletler
bilen garyşmaň, olaryň hudaýlarynyň
atlaryny agzamaň, olaryň adyndan ant
içmäň, olara gulluk edip, sežde etmäň.
8 Diňe şu günki bolşuňyz ýaly, Huda-
ýyňyz Rebbe bil baglaň. 9 Reb siziň
öňüňizden beýik we güýçli milletleri
kowup çykardy, şu wagta çenli olaryň
ýekejesi hem siziň öňüňizde durup bil-
medi. 10 Siziň biriňiz olaryň müňüsini
gaçyrdyňyz, sebäbi Hudaýyňyz Reb edil
söz berşi ýaly, siziň tarapyňyzda söweş-
di. 11 Şonuň üçin hem siz Hudaýyňyz
Rebbi jan-tenden söýüň. 12 Emma siz
Rebden ýüz öwrüp, araňyzda diri galan
beýleki milletlere goşulsaňyz, olar bilen
gyz alşyp-berşip, garyndaşlyk açsaňyz,
13 onda şuny bilip goýuň, çünki siziň
Hudaýyňyz Reb şondan soň ol millet-
leri siziň öňüňizden kowup çykarmaz.
Tersine, olar size duzak we tor bolarlar,
tä Hudaýyňyz Rebbiň beren bu gowy
ýerinden aýrylyp ýok bolýançaňyz, ar-
kaňyzy gamçylap, gözüňize tiken bolup
dürtülerler. 14 Ine, görşüňiz ýaly, meniň
sanalgym doldy. Hudaýyňyz Rebbiň size
beren ähli ajaýyp wadalarynyň ýeke-
jesi hem ýerine ýetmän galmandygyny
siziň hut özüňiz mese-mälim bilýäňiz.
Onuň her bir sözi amala aşdy, ýekeje-
si hem hakykata öwrülmän galmady.
15 Ýöne Hudaýyňyz Rebbiň her bir aja-
ýyp wadasynyň hakykata öwrülişi dek,
Özüniň beren oňat ýerinden sizi ýok
edýänçä, başyňyzdan bela-beterleri-de
inderer. 16 Eger-de siz özüňize berjaý
etmek üçin berlen Hudaýyňyz Rebbiň
ähtini bozsaňyz we başga hudaýlara
gulluk edip, olara sežde etseňiz, onda
Rebbiň gahar-gazaby siziň garşyňyza
tutaşar. Siz Rebbiň beren bu oňat ýe-
rinde şobada heläk bolarsyňyz».

## 24-nji bap

### *Ýeşuwa ysraýyllar bilen äht baglaşýar*

1 Şeýlelikde, Ýeşuwa ähli ysraýyl tirele-
rini Şekeme ýygnady. Olaryň arasyndan
Ysraýylyň ýaşulularyny, baştutanlaryny,
kazylaryny we ýolbaşçylaryny çagyrdy.
Olaryň özleri gelip, Hudaýyň huzuryn-
da durdular. 2 Soňra Ýeşuwa ähli halka
ýüzlenip, şeýle diýdi: «Ysraýyl Hudaýy
Reb şeýle diýýär: „Siziň ata-babalaryňyz
mundan köp ýyl öň Ýewfrat derýasynyň
boýunda ýaşap, başga hudaýlara gulluk
etdiler. Olaryň biri hem Ybraýym bilen
Nahoryň kakasy Terady. 3 Emma Men
ataňyz Ybraýymy Ýewfrat derýasynyň
boýundan äkidip, tutuş Kenganyň ýerini
berdim we onuň neberelerini köpeltdim.
Men oňa Yshak diýen bir ogul berdim.
4 Yshaga hem Ýakup bilen Ysawy berdim.
Men Ysawa Segir daglygyny mülk ber-
dim, ýöne Ýakup nesilleri bilen Müsüre
gitdi. 5 Soňra Men Musa bilen Haruny
Müsüre iberdim we olaryň arasynda
eden ähli bela-beterlerim bilen müsür-
lilere göz görkezdim. Şondan soň sizi ol
ýerden alyp çykdym. 6 Men siziň ata-ba-
balaryňyzy Müsürden alyp çykanymda,
siz deňze geldiňiz. Müsürliler at-araba-
lary we söweş arabaly esgerleri bilen
siziň ata-babalaryňyzyň yzyndan Gyzyl
deňze çenli kowaladylar. 7 Şonda ysra-
ýyllar perýat edip, Men-Rebden kömek
sorap ýalbaranlarynda, Men olar bilen
müsürlileriň aralygyny tüm-garaňkyly-
ga gapladym. Men müsürlileriň üstüni
deňziň suwy bilen örtüp, gark etdim.
Siz Meniň müsürlilere näme edenimi
öz gözleriňiz bilen gördüňiz. Soňra siz
uzak wagtlap çölde ýaşadyňyz. 8 Şeý-
dip, Men sizi Iordanyň gündogarynda
ýaşaýan amorlaryň ýerine getirdim. Olar
siziň garşyňyza uruşdylar, emma Men
olary siziň eliňize berdim. Men olary
siziň öňüňizde gyryp taşladym we siz
olaryň ýerlerini özüňize mülk aldyňyz.
9 Mowabyň hany Sipor ogly Ballak Ys-
raýyla garşy uruşmaga taýýarlananda,
ol Begor ogly Bilgama sizi näletlemek
üçin habar iberdi. 10 Emma Men Bilgama
gulak asmadym, şeýlelikde, ol ýene-de
size ak pata berdi we Men sizi Ballagyň
elinden halas etdim. 11 Soňra siz Iordan
derýasyndan geçip, Ýeriho geldiňiz.
Ýerihonyň ýaşaýjylary hem edil hetler,
amorlar, perizler, kenganlar, girgaşlar,
hiwiler we ýabuslar ýaly siziň garşyňyza
çykdylar, emma Men olary hem siziň
eliňize berdim. 12 Men iki amor hanyny
howsala salyp, olary siziň öňüňizden
kowup çykardym. Siz olary öz gylyç-
laryňyz bilen ýa-da ok-ýaýlaryňyz bilen
ýeňmediňiz. 13 Men size öz zähmetiňizi
siňdirmedik ýerleriňizi we öz gurma-
dyk galalaryňyzy berdim, häzir siz ol
ýerlerde ýaşap ýörsüňiz. Siz öz oturt-
madyk üzüm we zeýtun baglaryňyzyň
miwelerinden iýip ýörsüňiz“.

14 Şonuň üçin hem indi siz Rebden
gorkuň, Oňa ak ýürekden yhlas bilen
gulluk ediň. Siz ata-babalaryňyzyň
Ýewfrat derýasynyň aňyrsynda we
Müsürde sežde eden hudaýlaryny taş-
laň. Diňe Rebbe gulluk ediň. 15 Rebbe
gulluk etmegi makul görmeseňiz, onda
şu gün kime gulluk etjekdigiňizi saýlaň:
siz Ýewfrat derýasynyň aňyrsyndaky
ata-babalaryňyzyň gulluk eden hudaý-
laryna gulluk etjekmisiňiz ýa-da häzirki
ýaşaýan ýeriňizdäki amorlaryň hudaý-
laryna? Emma hojalygym bilen men
bolsa Rebbe gulluk etjekdirin». 16 Soňra
adamlar Ýeşuwa şeýle jogap berdiler:
«Biz hiç wagt Rebbe dönüklik etmeris!

Başga hudaýlara gulluk etmek bizden
daş bolsun! 17 Hudaýymyz Rebbiň Özi
bizi we ata-babalarymyzy Müsür gul-
çulygyndan alyp çykdy we gözümiziň
alnynda köp gudratly işleri etdi. Biziň
ýöräp geçen bütin ýollarymyzda, ähli
milletleriň arasynda Reb biziň janymy-
zy aman saklady. 18 Biz bu ýere çozuş
edenimizde, Reb bu ýerde ýaşaýan äh-
li amorlary biziň öňümizden kowup
çykardy. Şonuň üçin biz hem Rebbe
gulluk etjekdiris, sebäbi Ol biziň ýeke-
täk Hudaýymyzdyr».
19 Ýeşuwa halka: «Siz Rebbe gulluk
edip bilmersiňiz, çünki Ol mukaddes
Hudaýdyr, Ol gabanjaň Hudaýdyr. Si-
ziň ýazyklaryňyzy ýa-da günäleriňizi
bagyşlamaz. 20 Eger siz Rebbi terk edip,
keseki hudaýlara gulluk etseňiz, onda Ol
size öň köp ýagşylyklar eden hem bolsa,
sizden ýüz öwürer, näletläp, sizi ýok
edip taşlar» diýdi. 21 Adamlar Ýeşuwa:
«Ýok! Biz Rebbe gulluk ederis!» diýdiler.
22 Soňra Ýeşuwa ýene-de olara: «Rebbe
gulluk etmegi saýlap alandygyňyza siziň
özüňiz hakyky şaýatsyňyz» diýdi. Olar
hem: «Hawa, biz şaýatdyrys!» diýip
jogap berdiler.
23 Ýeşuwa halka ýüzlenip: «Indi öz ara-
ňyzdaky keseki hudaýlary aýryp taşlaň
we tutuş ýüregiňiz bilen Ysraýylyň Hu-
daýy Rebbe tarap öwrüliň» diýdi. 24 Halk
oňa: «Hawa, biz Hudaýymyz Rebbe
gulluk ederis we Onuň sözüne boýun
egeris!» diýdi. 25 Şeýlelikde, Ýeşuwa
şol gün adamlar bilen äht baglaşdy we
Şekemde olar üçin parzlar we düzgünler
çykardy. 26 Ýeşuwa şeýle hem bu sözleri
Hudaýyň Kanun kitabyna ýazdy. Soňra
ol äpet bir daşy alyp, Rebbiň mukad-
des ýerindäki dub agajynyň düýbünde
goýdy. 27 Ol ähli halka ýüzlenip: «Gör-
ýäňizmi, şu daş biziň üçin subutnama
bolar. Bu daş Rebbiň bize aýdan ähli
sözlerini eşitdi. Eger siz Rebbe dönüklik
edäýseňiz, bu daş size garşy subutnama
bolar!» diýdi.

### *Ýeşuwanyň we Elgazaryň ölümi*

28 Soňra Ýeşuwa halkyň hersini öz
mülk ýerine iberdi. 29 Şundan soň Reb-
biň guly Nun ogly Ýeşuwa ýüz on ýaşap
öldi. 30 Ony Gagaş dagynyň demirga-
zyk tarapyndaky Efraýym daglygynda,
özüniň mülk ýeri bolan Timnatserahda
jaýladylar. 31 Ýeşuwanyň ýaşan döw-
ründe ysraýyl halky Rebbe gulluk etdi.
Ýeşuwadan soň ýaşap, Rebbiň Ysraýyla
eden ähli ägirt işlerini gözi bilen gören
garrylaryň döwründe-de ysraýyl halky
Rebbe gulluk etdi. 32 Ysraýyllar Ýusubyň
jesedini Müsürden çykaryp, Şekeme
getiripdiler. Olar ony Şekemiň kaka-
sy Hamoryň ogullaryndan Ýakubyň
ýüz kümüş teňňä satyn alan ýerinde
jaýladylar. Ol ýer Ýusubyň nesilleri-
niň mülk ýeri bolup galdy. 33 Harunyň
ogly Elgazar hem öldi, ony Efraýym
daglygynda, öz ogly Pinehasyň Gibga
galasynda jaýladylar.

# Ysraýyl serdarlary

## Giriş

*Ysraýyl serdarlary* kitaby ysraýyl halkynyň baştutansyz ýaşan döwrüni beýan edýär. Şol döwürde dagynyk ýaşap ýören ysraýyl tirelerini bütewi bir millete öwrüp biljek serdarlar gerekdi, sebäbi goňşy halklar olaryň üstüne çozup, halky dyngysyz ezýärdiler. Şonuň üçin-de, Reb ysraýyl tirelerini birleşdirjek serdarlary saýlaýardy. Bu serdarlar halka baştutanlyk edip, ysraýyllaryň duşmanlaryna garşy söweşýärdiler. Bulardan başga-da olar tireleriň ýer we beýleki emläkler babatdaky dawaly meselelerini çözýärdiler.

Şeýle serdarlaryň biri-de Şimşondy. Ol güýçli şahsy häsiýetleri bilen köpleri yzyna eýerdýärdi, ýöne öz etjek işlerinde käwagt ysraýyl halkyna geňeşmeýärdi. Emma ysraýyllaryň özleri hem etjek işlerinde köplenç Hudaýa geňeşmeýärdiler. Olar Onuň buýruklaryny bozup, bitabyn bolýardylar, başga halklaryň butlaryna sežde edýärdiler, özlerini müsür gulçulygyndan boşadan Hudaýy unudýardylar. Olaryň şeýle boýnuýogynlyklary zerarly Hudaý olary Öz penakärliginden mahrum edýärdi. Şonda goňşy halklar olaryň üstüne çozup, mal-mülklerini olja, ogul-gyzlaryny ýesir alýardylar. Ysraýyllaryň şeýle bitabynlyklary zerarly olar özlerine wada berlen ýurdy we aýratyn hukugy, ýagny Hudaýyň halky bolmak hukugyny ýitirmek howpy döreýärdi. Hudaýyň ysraýyllara ýurdy we Öz halky bolmak hukugyny berip, olar bilen äht baglanyşy barada *Kanun taglymaty* kitabynda beýan edilýär. Şol ähte laýyklykda, ysraýyl halky Hudaýa tabyndyklary üçin ýalkanyşa mynasyp, bitabynlyklary üçin gargyşa duçar bolmalydylar.

### *Mazmuny*


Ýeşuwanyň ölümine çenli bolan wakalar ........ *1:1–2:10*
Ysraýyl serdarlary ........ *2:11–16:31*
Dürli wakalar ........ *17:1–21:25*

## 1-nji bap

### *Ysraýyllar kenganlar bilen söweşýärler*

1 Ýeşuwa ölenden soň, ysraýyllar:
«Kenganlaryň garşysyna ilki haýsy-
myz söweşe çykmaly?» diýip, Rebden
soradylar.
2 Reb: «Ýahuda tiresi çykar: ine, Men
bu ýurdy olaryň eline berjekdirin» diýdi.
3 Ýahudalar şimgon tiresine: «Biziň
paýymyza düşen ýer üçin kenganlaryň
garşysyna bile söweşmäge geliň. Biz
hem siziň paýyňyza düşen ýer üçin sö-
weşmäge bararys» diýdiler. Şimgonlar
olar bilen bile gitdiler. 4 Ýahudalar söwe-
şe girdiler, Reb kenganlary we perizleri
olaryň eline berdi. Olar Bezek diýen
ýerde duşmanyň on müňüsini öldürdiler.
5 Bezekde olar Adonybezege sataşdylar,
onuň bilen söweşip, ony ýeňdiler, ken-
ganlary we perizleri derbi-dagyn etdiler.
6 Adonybezek gaçdy, ýöne onuň yzyndan
kowup tutup, onuň elleriniň hem aýak-
larynyň başam barmaklaryny çapdylar.
7 Şonda Adonybezek: «Elleriniň hem
aýaklarynyň başam barmaklary çapylan
ýetmiş sany baştutan meniň saçagym-
dan gaçan çörek owuntyklaryny çöpläp
iýipdi. Şolara edenlerimi indi Hudaý
meniň özüme görkezýär» diýdi. Olar
Adonybezegi Iýerusalime getirdiler; ol
şol ýerde öldi.
8 Soňra ýahudalar Iýerusalimi basyp
alyp, onuň ilatyny gylyçdan geçirdiler
we galany otladylar. 9 Ondan soň olar
daglykda, Negepde we günbatar baýyr-
lykda ýaşaýan kenganlaryň garşysyna
söweşe girdiler. 10 Köne ady Kirýatarba
bolan Hebronda ýaşaýan kenganlaryň
üstüne çozup, Şeşaý, Ahyman we Tal-
maý baştutanlaryny boýun egdirdiler.
11 Bu ýerden ol Debiriň ilaty bilen
uruşmaga gitdi. Debire öň Kirýatseper
diýilýärdi. 12 Kalep: «Ýeňiş gazanyp, Kir-
ýatseperi basyp alana, gyzym Aksany
gelin edip berjek» diýdi. 13 Bu galany
Kalebiň dogany, Kenazyň ogly Otni-
ýel basyp aldy. Kalep öz gyzy Aksany
oňa berdi.
14 Toý güni Aksa öz kakasynyň ýanyna
gidip, ondan ýer dilemek üçin Otniýel-
den razylyk aldy. Aksa baryp, eşeginden
düşende, Kalep ondan: «Gyzym, näme
dilegiň bar?» diýip sorady. 15 Aksa kaka-
syna: «Maňa peşgeş bersene. Sen maňa
Negep çölüniň gurak ýerlerini berdiň,
maňa suw bulaklaryny-da beräý!» diý-
di. Şunlukda, Kalep ýokarky we aşaky
çeşmeleri hem oňa bagyş etdi.
16 Keýnlerden bolan Musanyň ga-
ýynatasynyň nesilleri ýahudalar bilen
bilelikde Palma galasyndan çykyp, Ara-
dyň golaýynda Negepdäki Ýahuda çölüne
ýaşamaga gitdiler. Ol ýerde olar ama-
lekleriň arasynda ornaşdylar. 17 Soňra
ýahudalar şimgonlar bilen bilelikde, Sepat
galasynda ýaşaýan kenganlaryň üstüne
çozup, olary ýeňdiler. Olar galany Rebbe
bagyş edip, bütinleý ýok etdiler we onuň
adyna Horma[a] dakdylar. 18 Ýahudalar
Gaza, Aşkelon we Ekron galalaryny-da,
olaryň daş-töweregindäki meýdanlary
bilen bile basyp aldylar. 19 Reb ýahudalar
bilen biledi. Olar daglykda ýaşaýanlary
ýeňip, olary kowup çykardylar, emma
düzlükde ýaşaýanlary ýeňip bilmediler,
sebäbi olaryň demir söweş arabalary
bardy. 20 Musanyň wada edişi ýaly, Heb-
ron Kalebe berildi. Ol bolsa anaklaryň
üç urugyny ol ýerden kowup çykardy.

---

[a] **1:17** Ýewreýçe *Horma* we *bütinleý ýok etdiler* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

21 Benýaminler Iýerusalimde ýaşaýan
ýabuslary kowup çykarmadylar, olar
häli-häzire çenli hem benýaminler bilen
bile bu ýerde ýaşap ýörler.
22 Ýusubyň nesilleri Beýteliň garşy-
syna söweşe çykdylar. Reb olar bilendi.
23 Olar Beýtele (galanyň öňki ady Luzdy)
gözden geçirmek üçin öz jansyzlaryny
iberdiler. 24 Jansyzlar galadan gelýän bir
adamy gördüler, ony tutup, oňa: «Eger
bize galanyň girelgesini görkezseň, biz
saňa rehimdarlyk ederis» diýdiler. 25 Ol
adam bulara galanyň girelgesini görkez-
di. Ýusubyň nesilleri galany gylyçdan
geçirdiler, ýöne bu adama hem onuň ko-
wum-garyndaşlaryna degmediler. 26 Ol
adam hetleriň ýurduna baryp, ol ýerde
gala gurdy we öň ýaşan galasynyň haty-
rasyna onuň adyna Luz dakdy. Ol gala
häzire çenli şol at bilen atlandyrylýar.
27 Manaşalar Beýtşeýan, Tagnak, Dor,
Iblegam, Megido galalarynyň we olara
degişli obalaryň ilatyny kowup çykar-
madylar, şeýdip, kenganlar şol ýerde
ýaşadylar. 28 Ysraýyllar güýçlenenden
soňra, olar kenganlary bütinleý kowup
çykarmadylar-da, mejbury iş edýänlere
öwürdiler.
29 Efraýymlar hem Gezerde ýaşaýan
kenganlary kowmadylar, kenganlar olar
bilen bir ýerde ýaşadylar.
30 Şeýlelikde, zebulunlar Kitron we
Nahalal galalarynyň ilatyny kowmadylar,
kenganlar olar bilen ýaşaberdiler, ýöne
kenganlar olary mejbury iş edýänlere
öwürdiler.
31 Aşerler Akko, Sidon, Ahlap, Akzyp,
Helba, Afyk we Rehop galalarynyň ila-
tyny kowmadylar. 32 Şeýdip, aşerler şol
ýeriň ilaty bolan kenganlaryň arasynda
ýaşaberdiler, çünki olary kowmadylar.
33 Naftalylar Beýtşemeşiň, Beýtanadyň
ilatyny – kenganlary kowman, olaryň
arasynda ýaşadylar. Emma olar Beýtşe-
meş bilen Beýtanadyň ilatyny mejbury
iş edýänlere öwürdiler.
34 Amorlar danlary daglyga tarap
gysdylar, olary düzlüge goýbermedi-
ler. 35 Amorlar Heres dagynda, Aýalonda,
Şagalbymda ýaşamagy ýüreklerine düw-
düler; Ýusubyň nesilleri güýçlenende,
olar amorlary mejbury iş edýänlere
öwürdiler. 36 Amorlaryň serhedi Içýan
geçidinden Sela gaýasyna çenli, hatda
ondan hem aňry uzalyp gidýärdi.

## 2-nji bap

### *Ysraýyllar Rebbe biwepalyk edýärler*

1 Rebbiň perişdesi Gilgaldan Bohime
gelip, şeýle diýdi: «Men sizi Müsürden
çykaryp, ata-babalaryňyza söz beren
ýurduma getirdim. Men şol mahal
Özümiň siz bilen eden ähtimi asla boz-
majakdygymy we 2 bu ýurduň ilaty bilen
siziň äht edişmeli däldigiňizi, olaryň
gurbanlyk sypalaryny ýykyp-ýumur-
malydygyňyzy aýdypdym. Ýöne siz
sözüme gulak asmadyňyz. Bu näme
etdigiňiz boldy? 3 Şonuň üçin hem indi
Men size şuny aýdýaryn: Men olary
siziň öňüňizden kowmaryn. Olar size
duşman bolarlar, olaryň hudaýlary size
duzak bolarlar». 4 Rebbiň perişdesi bu
sözleri aýdanda, ähli ysraýyllar möň-
ňürip aglaşdylar. 5 Şonuň üçin olar bu
ýeriň adyna Bohim[a] goýdular we şol
ýerde Rebbe gurbanlyk berdiler.
6 Ýeşuwa adamlary öýli-öýüne ugra-
dandan soň, ysraýyllar özlerine ýurtdan
mülk berlen ýerlerine eýelik etmek üçin
gitdiler. 7 Ýeşuwanyň ýaşan döwründe

[a] **2:5** ***Bohim*** – bu söz *aglaşýanlar* diýmegi aňladýar.

ysraýyl halky Rebbe gulluk etdi. Ýeşu-
wadan soň ýaşap, Rebbiň Ysraýyla eden
ägirt işlerini gözi bilen gören garrylaryň
döwründe-de ysraýyl halky Rebbe gul-
luk etdi. 8 Rebbiň guly Nun ogly Ýeşuwa
ýüz on ýaşap öldi. 9 Ony Gagaş dagynyň
demirgazyk tarapyndaky Efraýym dag-
lygynda, Timnaheresdäki öz mülkünde
jaýladylar. 10 Şeýlelik bilen, tutuş bir nesil
dünýäden ötdi we bu öňki nesliň dere-
gine Rebbi bilmeýän we Onuň Ysraýyl
üçin eden işlerinden habarsyz başga bir
nesil kemala geldi.

11 Soňra ysraýyllar Rebbiň ýigrenýän
işlerini edip, Bagal butlaryna gulluk
etdiler. 12 Olar ata-babalaryny Müsür-
den çykaran öz Hudaýy Rebbi terk edip,
daş-töweregindäki ähli goňşy milletleriň
hudaýlaryna sygyndylar, olara baş egip
sežde etdiler. Şeýdip, olar Rebbiň gaha-
ryny getirdiler. 13 Olar Rebbi terk edip,
Bagal hem-de Aştoret butlaryna gulluk
etdiler. 14 Rebbiň ysraýyllara gahary gel-
di. Reb olary talaňçylaryň eline berdi,
olary taladylar. Reb olary çar tarapdan
duşmanlaryň eline berdi. Olar duşman
öňünde uzak durup bilmediler. 15 Rebbiň
ant içip söz berşi ýaly, olar nirä söweş-
mäge çyksalar, Reb ysraýyllara garşy
boldy. Ysraýyllar gaty köp ejir çekdiler.

16 Ysraýyllary talaňçylaryň elinden
halas etmek üçin Reb serdarlar saýlap
çykardy. 17 Emma olar serdarlara-da gu-
lak asmadylar. Tersine, başga hudaýlara
sežde edip, Rebbe biwepalyk etdiler;
Rebbiň buýruklaryny ýerine ýetiren
ata-babalarynyň yzyna eýermän, gaýtam
olaryň ýolundan juda tiz çykdylar. 18 Reb
olar üçin ýolbaşçy serdary çykaranda,
Reb serdar bilen bile bolardy, serdaryň
ähli ýaşan ömründe, Reb ysraýyllary
duşmanlarynyň elinden halas ederdi.
Çünki olar sütemiň we zulumyň goly
astynda bolanlarynda, Reb olara rehim
ederdi. 19 Emma serdar ölen badyna,
olar ýene öňki ýollaryna dolanýardylar,
ata-babalaryndan beter bozulýardylar;
başga hudaýlara gulluk edip, olara sežde
ederdiler. Şeýdip, olar tekepbirlik bilen
özleriniň bet işlerinden el üzmediler.
20 Şoňa görä Rebbiň ysraýyllara gahary
gelip, şeýle diýdi: «Bu halk olaryň ata-
babalary bilen Meniň eden ähtimi bozdy,
sözüme gulak asmady, 21 şu sebäpden
Ýeşuwa ölmezden öň, kowulman galan
halklaryň hiç birini-de, indi Men olaryň
öňünden kowmaryn. 22 Şeýdip, olary şu
halklar bilen synap görjek, ata-babalary
ýaly olar hem Rebbiň ýolundan ýörär-
lermikä ýa-da ýok?» 23 Reb bu halklary
birbada kowup çykarmady. Olara Ýeşu-
wanyň ygtyýaryna berilmedik ülkelerde
galmagyna rugsat berdi.

## 3-nji bap

### *Kenganda galan halklar*

1 Kengandaky uruşlaryň hiç haýsy-
syna gatnaşyp görmedik ysraýyllary
synamak üçin, Reb birnäçe milletleri
kowup çykarman öz ýurdunda galdyrdy.
2 Reb muny Ysraýylyň her bir nesline sö-
weşmegi öwretmek üçin, esasan hem öň
hiç haçan urşup görmedik, urşa hiç hili
tejribesi ýok soňky nesil üçin etdi. 3 Ine,
Rebbiň şol galdyran milletleri: piliştlile-
riň bäş hanlygy, ähli kenganlar, sidonlar,
Bagalhermon dagyndan Lebohamada
çenli aralykdaky Liwan dagynda ýaşa-
ýan hiwiler. 4 Rebbiň Musanyň üsti bilen
ata-babalaryna berlen buýruklaryna ys-
raýyllaryň gulak asýandyklaryny ýa-da
gulak asmaýandyklaryny synamak üçin
Reb şu halklary galdyrypdy. 5 Ysraýyllar
kenganlaryň, hetleriň, amorlaryň, periz-
leriň, hiwileriň we ýabuslaryň arasynda

mesgen tutdular. 6 Olar bilen gyz alşyp-
-berişdiler, olaryň hudaýlaryna gulluk
etdiler.

### *Otniýel serdar*

7 Ysraýyllar Rebbiň ýigrenýän işlerini
etdiler, özleriniň Hudaýy Rebbi unudyp,
Bagal hem-de Aşera butlaryna gulluk
etdiler. 8 Şol sebäpden Rebbiň Ysraýy-
la gahary gelip, olary Siriýa patyşasy
Kuşan-rişataýymyň eline tabşyrdy. Ys-
raýyllar sekiz ýyllap Kuşan-rişataýymyň
gol astynda boldular. 9 Olar Rebbe perýat
edenlerinde, Reb olara Otniýel diýen bir
halasgär berdi. Ol Kalebiň inisi Kenazyň
ogludy. 10 Rebbiň Ruhy Otniýele indi;
ol ysraýyllara serdar bolup, urşa çykdy,
Reb Siriýa patyşasy Kuşan-rişataýymy
onuň eline berdi. Otniýel Kuşan-rişata-
ýymy boýun egdirdi. 11 Ýurt kyrk ýyllap
parahat ýaşady. Soňra Kenazyň ogly
Otniýel aradan çykdy.

### *Ehut serdar*

12 Ysraýyllar ýene Rebbiň ýigrenýän
işlerini etdiler. Reb hem Mowap patyşasy
Eglony ysraýyllaryň garşysyna güýçlen-
dirdi, sebäbi ysraýyllar Rebbiň ýigrenýän
işlerini etdiler. 13 Eglon ammonlylar we
amalekler bilen birleşdiler we ysraýyl-
lara zarba urup, Palma galasyny eýeledi.
14 Şeýlelikde, ysraýyllar on sekiz ýyllap
Mowap patyşasy Eglonyň gol astynda
galdylar.

15 Ysraýyllar ýene-de Rebbe perýat
edenlerinde, Reb olar üçin bir halasgär
berdi. Ol benýamin tiresinden Geranyň
ogly Ehutdy, ol çepbekeýdi. Ysraýyllar
Mowap patyşasy Eglon üçin salgyt äkit-
megi Ehuda tabşyrdylar. 16 Ehut özüne
uzynlygy bir tirsek bolan iki ýüzli hanjar
ýasandy. Ony donunyň aşagynda sag bu-
duna dakyp, 17 salgydy Mowap patyşasy
Eglona äkitdi. Eglon gaty semiz adamdy.
18 Ehut salgydy berdi we muny göterip
gelen adamlary ugratdy. 19 Ýöne onuň
özi Gilgalyň gapdalyndaky ýonulan uly
daşyň duran ýerinden yzyna öwrülip
geldi-de: «Eý, patyşa, saňa aýtjak bir
gizlin sözüm bar» diýdi.

Eglon: «Ümsüm boluň!» diýip, ýanyn-
dakylaryň hemmesini daşaryk çykardy.

20 Ehut şonda öz sergin otagynda ýeke
galan patyşanyň ýanyna golaýlaşyp:

«Saňa Hudaýdan bir habar getirdim»
diýende, patyşa tagtyndan turdy. 21 Ehut
çep eli bilen sag budundaky hanjary-
ny aldy-da, patyşanyň garnyna sokdy.
22 Hanjar sapy bilen bile girip gitdi. Han-
jar patyşanyň ýagly garnynda galdy. Ehut
hanjaryny yzyna çykarmady, hanjarynyň
ujy onuň arkasyndan çykdy, onuň içgoşy
daşyna çykdy. 23 Onsoň Ehut işigiň daş
ýüzüne çykyp, sergin otagyň gapylaryny
daşyndan gulplady. 24 Ol daşaryk çykan
badyna, patyşanyň nökerleri geldiler.
Olar sergin otagyň gapylarynyň gulp-
lydygyny görüp, patyşa aýak ýoluna
gidendir öýtdüler. 25 Juda köp garaşdylar,
gapylar wagty bilen açylmansoň, ahyry
açar alyp, gapylary açdylar. Görseler,
olaryň hojaýyny ölüp ýatyrdy.

26 Olar nämäniň-nämedigine düşün-
ýänçäler, Ehut gaçdy we ýonulan uly
daşyň gapdalyndan geçip, Seýire tarap
zym-zyýat boldy. 27 Ol bu ýere gelip,
Efraýym daglygynda şahdan edilen
surnaý çaldy. Ysraýyllar onuň bilen
birlikde daglykdan indiler. Ehut olaryň
öňündedi. 28 Ehut olara: «Meniň yzyma
düşüň, Reb duşmanyňyz mowaplylary
siziň eliňize tabşyrdy» diýdi. Olar hem
onuň yzy bilen aşak indiler we mowap-
lylardan Iordan derýasynyň güzerlerini
eýeläp, ol ýerden hiç kimi geçirmediler.
29 Şonda olar on müň sany daýaw hem

batyr mowaplyny öldürdiler, olaryň
ýekejesi-de aman galmady. 30Şeýlelikde,
mowaplylar şol gün Ysraýylyň golas-
tyna düşdüler. Soňra ýurt segsen ýyl
parahat ýaşady.

### *Şamgar serdar*

31Ehutdan soň Anat ogly Şamgar peý-
da boldy. Ol hem padyman taýagy bilen
piliştlilerden alty ýüz adamy öldürip,
Ysraýyly olaryň elinden halas etdi.

## 4-nji bap

### *Debora bilen Barak*

1Ehut ölenden soň, ysraýyllar ýene-de
Rebbiň ýigrenýän işlerini etdiler. 2Reb
ysraýyllary Hasor galasynda höküm sü-
ren we kengan halkyndan bolan Ýabyn
atly hanyň eline berdi. Haroşet-hagoýym
galasynda ýaşaýan Sisera onuň harby
serkerdesidi. 3Ysraýyllar Rebbe per-
ýat edip, Ondan kömek soradylar, Oňa
ýalbardylar, sebäbi Ýabynyň dokuz ýüz
sany demir söweş arabasy bardy we ol
ýigrimi ýyl bäri ysraýyllary rehimsizlik
bilen ezip gelýärdi.
4Şol döwürde ysraýyllara Lapydodyň
aýaly Debora pygamber serdarlyk edýär-
di. 5Ol Efraýym daglygynda, Rama bilen
Beýteliň aralygyndaky palma agajynyň
aşagynda oturýardy. Deboranyň buý-
rugyny eşitmek üçin ysraýyllar onuň
ýanyna gelerdiler. 6Debora Abynogamyň
ogly Baragyň yzyndan adam iberip,
Kedeş galasynyň Naftaly diýen ýerine
çagyrtdy we oňa şeýle diýdi: «Ysraýyl
Hudaýy Reb saňa şeýle buýruk berdi:
„Bar, naftalylardan we zebulunlardan
on müň adamy ýanyňa al-da, olar bilen
Tabor dagyna çyk. 7Men bolsa harby ser-
kerde Siserany, onuň söweş arabalaryny,
agyr goşunyny Kişon derýasyna tarap
getirip, seniň eliňe berjek“». 8Barak
oňa: «Eger sen meniň bilen gitseň, men
gideýin, ýogsam, men gitjek däl» diýdi.
9Debora oňa: «Bolýar, men seniň bilen
gideýin; bu urşuň abraýy saňa nesip
etmez, çünki Reb Siserany bir aýalyň
eline berer» diýdi. Şeýle diýip, Debora
Barak bilen bile Kedeş galasyna tarap
ýola düşdi. 10Barak zebulunlar bilen
naftalylary Kedeş galasyna üýşürdi, on
müň adam onuň yzyna eýerdi. Debora
olara ýoldaş boldy.
11Keýn tiresinden bolan Heber Kede-
şiň golaýynda ýerleşen Saganannymda,
dub agajynyň ýanynda çadyr gurupdy.
Heber şol wagtlar beýleki keýnlerden
aýry ýaşaýardy. Keýn tiresi Musanyň
gaýynatasy Hobabyň nesillerindendi.
12Abynogamyň ogly Baragyň Tabor
dagyna çykandygyny Sisera habar be-
renlerinde, 13ol öz ýanyndaky esgerlerini,
ähli söweş arabalaryny we dokuz ýüz
demir arabasyny Haroşet-hagoýymdan
çagyryp, olary Kişon derýasynyň ýa-
kasyna üýşürdi. 14Debora Baraga: «Tur,
Rebbiň Siserany seniň eliňe berjek gü-
ni şu gündür. Rebbiň Özi seniň öňüňe
düşer» diýdi. Şeýlelikde, Barak Tabor
dagyndan aşak indi, onuň yzy bilen on
müň adam gaýtdy. 15Baragyň goşuny
bilen Siseranyň goşuny söweşip başlan-
da, Reb Siseranyň esgerlerini we söweş
arabalaryny derbi-dagyn etdi. Sisera
arabasyndan düşüp, pyýadalap gaçdy.
16Barak Siseranyň söweş arabasyny we
bütin goşunyny Haroşet-hagoýyma çenli
kowdy, olaryň baryny gylyçdan geçirdi,
ýeke adamy-da diri goýmady.
17Sisera pyýada gaçyp, keýnlerden
bolan Heberiň aýaly Ýageliň ýaşa-
ýan çadyryna bardy. Heber we onuň
öýündäkiler Hasor hany Ýabyn bilen
ylalaşykly ýaşaýardy. 18Ýagel golaýlap

gelýän Siserany görüp, onuň öňünden
çykdy we oňa: «Gel, agam, gel meniň
ýanyma, gorkma» diýdi. Ol gelip, bu
aýalyň çadyryna girdi. Aýal onuň üs-
tüne kilim ýapyp, ony gizledi. 19 Sisera
aýala: «Men gaty suwsadym, maňa bir
azajyk suw bersene» diýdi. Ýagel süýt-
li meşikden süýt alyp, Sisera içirdi-de,
ýene onuň üstüni örtdi. 20 Soňra Sisera
Ýagele: «Sen gapynyň agzynda bol, eger
biri gelip: „Bu ýerde adam barmy?“ diýip
soraýsa, sen: „Ýok“ diýip jogap berersiň»
diýdi. 21 Sisera örän ýadawdy; ol uka
gitdi. Ýagel çadyryň gazyklaryndan
birini hem-de tokmagy alyp, gazygy as-
syrynlyk bilen Siseranyň gulak tozunda
goýdy-da, üstünden tokmak bilen urdy.
Gazyk onuň kellesini ýere ýelmeşdirdi.
Ol dessine jan berdi. 22 Barak Siserany
yzarlap, çadyryň ýanyna geldi. Ýagel ony
görüp, öňünden çykdy-da: «Gel bärik,
men saňa ýitgiňi tapyp bereýin» diýdi.

Barak Ýageliň ýanyna girende, çek-
gesinden gazyk geçirilen, jansyz ýatan
Siserany gördi.

23 Şeýdip, şol gün Hudaý kengan hal-
kyndan bolan Ýabyn hany ysraýyllara
tabyn etdi. 24 Ysraýyllar gün-günden
güýçlenip, Kengan hanlygyny doly
syndyrdylar.

### 5-nji bap

***Deboranyň aýdymy***

1 Şol gün ýeňiş mynasybetli Debora
bilen Abynogamyň ogly Barak şeýle
aýdym aýtdylar:

2 «Ysraýyl ýolbaşçylary aýaga
galanda,
halk olara meýletin boýun
bolanda,
Rebbe alkyş aýdyň!
3 Eý, patyşalar, eşidiň!
Eý, serkerdeler, diňläň!
Men Rebbe nagma aýtjak,
Ysraýyl Hudaýy Rebbe
bir owadan saz çaljak.

4 Ýa Reb, Sen Segirden çykaňda,
Edomdan nyzamly aýak
goşaňda,
ýer sarsyp titredi,
asmandan çagba ýagdy,
bulutlardan sil akdy.
5 Sinaý dagynda Rebbiň öňünde,
Ysraýyl Hudaýy Rebbiň öňünde
daglar sarsyp lerzana geldi.

6 Ýageliň zamanynda
Anat ogly Şamgar höküm
sürende,
kerwenleriň yzy kesilipdi,
ýolagçylar sowa ýoldan
ýöräpdiler.
7 Debora heniz gelmezinden öň,
ene hökmünde orta
çykarmazyndan öň,
Ysraýyl obalarynda hiç kim
galmandy.

8 Olar täze hudaýlary saýlan wagty
uruş gala derwezesine gelip
ýetipdi.
Ysraýylyň kyrk müň esgeriniň
ählisi
ne galkanyn tapdy, ne-de
naýzasyn.
9 Eý, Ysraýyl serkerdeleri, ýüregim
siz bilen,
gahrymanlarça söweşjekler
bilen.
Rebbe şöhrat bolsun!

10 Muny aýdyň, adamlar,
ak eşek münüp gelýänler,

haly-palaslarda oturanlar,
ýoldan geçip barýanlar!
11 Güzere eşidilýär sazyň owazy,
eşidýäs biz surnaýlaň sesin.
Ysraýyl serdarlarynyň beýik işlerini,
Rebbiň ýeňşini wasp edýärler.
Rebbiň halky gala derwezesine ýöriş edýär.

12 Oýan, eý, Debora, oýan!
Aýt, sen öz aýdymyňy aýt!
Eý, Abynogam ogly Barak, galkyn!
Öz duşmanlaryňy ýesir al!
13 Diri galanlar öz serkerdesiniň ýanyna geldi,
Rebbiň halky uly güýç bilen maňa geldi.

14 Amalek ýurdundaky efraýym
hem benýamin tirelerinden
uruş tälimin bilýänler geldiler.
Makyrdan ýolbaşçylar geldiler.
Zebulundan şa hasasyny göterýänler geldiler.
15 Ysakar serkerdeleri Debora bilen biledi.
Hawa, ysakar halky Baraga wepalydy,
onuň yzyndan pyýadalap düzlüge düşdüler.
Emma ruben urugynda içini hümledýänler köpdi.
16 Näme üçin siz agyllaryň ýanynda
çopan tüýdüginiň owazyna maýyl bolup oturdyňyz?
Rubeniň urugynda içini hümledýänler köpdi.

17 Gilgat Iordanyň aňyrsynda galdy.
Danyň adamlary öz gämileri bilen galdy.
Aşeriň halky deňiz ýakasynda
öz gämi duralgalarynda galdy.
18 Naftaly hem zebulun halklary
janlaryny howp astynda goýup,
söweş meýdanynda çaknyşdylar.

19 Tagnakda we Megido suwlarynyň ýakasynda
Kengan hanlary gelip söweşdiler;
emma olar ne kümüş, ne olja gazandylar.
20 Asmandan ýyldyzlar lowurdap,
öz ýolunda Sisera bilen söweşdi.
21 Kişonyň akymy – bu gadymy derýa
olary gark etdi.
Eý, janym! Güýjüňi jemläp, öňe git!

22 At toýnagynyň ýer sarsdyrýan sesi eşidildi.
23 Rebbiň perişdesi diýýär:
„Batyr esgerlere goşulmandygy üçin
Meroz galasyna gargaň,
onuň halkyna lagnat ýagdyryň!“.

24 Keýnlerden bolan Heberiň aýaly Ýagel
çadyrda ýaşaýan aýallar arasynda ýalkansyn!
25 Sisera suw diledi, Ýagel oňa süýt berdi.
Hanlara mynasyp käsede oňa gaýmak getirdi.
26 Ol çadyrdan çykdy,
sol eline gazyk, sag eline tokmak aldy.
Tokmak bilen Siserany urup,
onuň kellesini mynjyratdy.
Ol gazygy eline aldy-da,

Siseranyň gulak tozunda
goýup,
üstünden tokmak bilen kakdy.
[27] Sisera Ýageliň aýagynyň
astynda,
ýatan ýerinde jan berdi.

[28] Siseranyň ejesi penjireden
seredip,
gözüni ýola dikip durşuna
perýat edýär:
„Oglumyň söweş arabalary näme
üçin eglendikä?
Näme üçin atlarynyň aýak sesi
eşidilenok?“.
[29] Akylly boýdaşlary oňa göwünlik
berdiler.
Megerem, onuň özi-de özüne
şeýle diýerdi:
[30] „Belki, olja paýlaşýandyrlar,
hersi özüne birki gyzy
tutýandyr.
Sisera öz olja alan zatlaryndan
dürli reňkli geýimler
saýlaýandyr,
nepis nagyşly geýimlerden
meniň üçin saýlaýandyr“.

[31] Goý, seniň duşmanlaryň
hemmesi
şeýdip ýok bolsun, ýa Rebbim!
Seni söýýänler bar güýji bilen
şöhle saçýan
Gün ýaly güýçli bolsun!»

Şondan soň ýurt kyrk ýyllap parahat ýaşady.

### 6-njy bap

#### *Midýanlar ysraýyllary ezýärler*

[1] Ysraýyllar ýene-de Rebbiň ýigren-
ýän işlerini etmäge başladylar. Reb
olary ýedi ýyllap midýanlaryň eline
berdi. [2] Ysraýyllar midýanlaryň golas-
tynda galdylar. Midýanlaryň berýän köp
jebir-sütemi sebäpli ysraýyllar daglaryň
gowaklarynda we başga-da sümelgelerde
özlerine gizlenmäge bukular gurdular.
[3] Ysraýyllar ýere tohum sepip, ekişe
başlanlarynda, midýanlar, amalekler we
gündogar halklar olaryň üstüne çozar-
dylar. [4] Olar Ysraýylyň ýerinde çadyrlar
gurardylar we tä Gaza galasyna çenli
ähli ekinleri ýok ederdiler. Ysraýyllara
ne goýun, ne öküz, ne eşek hiç zat goý-
mazdylar. [5] Olar mallary hem çadyrlary
bilen bile edil çekirtge çozan ýaly bolup
gelerdiler; olaryň özleriniň hem, düýele-
riniň hem san-sajagy ýokdy. Olar ýurdy
wes-weýran ederdiler. [6] Midýanlaryň
sütemi sebäpli ysraýyllar gaty garyp
düşdüler we Rebden kömek sorap, ýal-
barmaga başladylar.

[7] Ysraýyllaryň midýanlardan dady-per-
ýat edip, Özüne ýalbarandyklaryna
görä, Reb olara bir pygamber iberdi.
[8] Şol pygamber olara: «Ysraýyl Hudaýy
Reb size: „Müsür gulçulygyndan sizi
Men çykardym. [9] Kuwwatly müsürlileriň
we size sütem edenleriň hemmesiniň
elinden Men halas etdim. Men ola-
ry siziň öňüňizden kowup, şu ýerleri
size berdim. [10] Size Hudaýyňyz Reb
Mendigimi, amorlaryň topragynda
ýaşasaňyz-da, olaryň hudaýlaryna
sežde etmeli däldigiňizi aýdypdym.
Ýöne siz Meni diňlemediňiz“ diýip
aýtdy» diýdi.

#### *Gidegon serdarlyk edip başlaýar*

[11] Ine, Rebbiň iberen perişdesi Opra
galasyna gelip, dub agajynyň aşagynda
oturdy. Bu agaç abygezer urugyndan
Ýowaş diýen adamyňkydy. Onuň ogly
Gidegon midýanlar bilmez ýaly, şol

ýerdäki üzüm sykylýan çukurda bug-
daý döwüp durdy. 12 Rebbiň perişdesi
oňa görnüp: «Eý, edermen urşujy, Reb
seniň bilendir!» diýdi. 13 Gidegon oňa:
«Eý, jenabym, eger Reb biziň bilen bol-
sa, onda nädip biziň başymyza şunça
betbagtlyk gelýär? Ata-babalarymyz:
„Reb bizi Müsürden alyp çykdy“ diýip,
bize gürrüň berýärdiler. Hany, Rebbiň
şol gudratlary? Indi Reb bizi terk edip,
midýanlaryň eline berdi» diýdi. 14 Reb
Gidegona bakyp: «Bar, şu güýjüň bilen
git-de, ysraýyllary midýanlaryň elinden
halas et. Seni Men iberýärin!» diýdi.
15 Gidegon: «Ýa Reb! Men nädip Ysra-
ýyly halas edip bilerin? Meniň urugym
manaşa tiresiniň iň ejizidir. Men özüm
hem maşgalamyzyň iň kiçisi ahyryn»
diýdi. 16 Reb oňa: «Men seniň bilen bo-
laryn. Sen ähli midýanlary emgenmän
gylyçdan geçirersiň» diýdi. 17 Şonda
Gidegon Rebbe: «Eger menden razy
bolsaň, onda Sen Özüňiň Rebdigiňi,
meniň bilen Rebbiň gepleşýändigini
subut edýän bir alamat görkez. 18 Saňa
sadaka getirip, öňüňde goýýançam, bu
ýerden gitme» diýdi. Ol: «Sen gelýänçäň,
garaşaryn» diýdi.

19 Gidegon gidip, bir owlak soýdy we
bir batman undan petir bişirdi. Eti sebede
saldy, çorbasyny küýzä guýdy we bulary
getirip, dub agajynyň aşagynda Onuň
öňünde goýdy. 20 Hudaýyň perişdesi Gi-
degona: «Eti we petiri şu daşyň üstünde
goý-da, üstünden çorbany guý» diýdi.
Gidegon şeýle hem etdi. 21 Perişdäniň
elinde hasasy bardy. Ol hasanyň ujuny
et bilen petire degrende, daşdan ot çykdy.
Ot daşyň üstündäki et bilen petiri ýakyp
kül etdi. Hut şol wagt Rebbiň perişdesi
gözden gaýyp boldy. 22 Gidegon Rebbiň
perişdesiniň özi bilen gepleşendigine dü-
şünende: «Eý, Hökmürowan Reb! Maňa
kömek et! Men perişdäň bilen ýüzbe-
ýüz boldum» diýip gygyrdy. 23 Reb oňa:
«Howsala düşme, rahatlan! Gorkma, sen
ölmersiň!» diýdi. 24 Gidegon ol ýerde
Rebbe gurbanlyk sypasyny gurdy we
ony «Reb rahatdyr» diýip atlandyrdy.
(Bu gurbanlyk sypasy abygezer uru-
gynyň Opra galasynda, dubuň astynda
henize çenli dur.)

25 Şol gijäniň özünde Reb Gidegona:
«Sen kakaňyň sürüsinden iki sany öküz
getir, olaryň biri ýediýaşar öküz bol-
sun. Kakaňyň Bagala guran gurbanlyk
sypasyny ýyk, onuň ýanyndaky Aşera
butuny çap. 26 Soňra belentde Hudaýyňyz
Rebbe gurbanlyk sypasyny gur. Ikinji
öküzi soý-da, ony şol ýerde Aşera bu-
tundan alnan odun bilen ýakyp, ýakma
gurbanlyk edip ber» diýdi 27 Gidegon
özüniň adamlaryndan onusyny ýanyna
alyp geldi-de, Rebbiň buýrugyny ýerine
ýetirdi. Atasynyň öýündäkileriniň hem-
de galanyň ilatynyň görerinden gorkup,
Gidegon bu işi gije etdi.

28 Galanyň adamlary irden turanla-
rynda Bagalyň gurbanlyk sypasynyň
ýykylandygyny, onuň ýanyndaky Aşera
butunyň çapylandygyny, täze gurlan
gurbanlyk sypasynda ikinji öküziň ýa-
kylandygyny gördüler. 29 «Bu kimiň
eden işikä?» diýşip, biri-birilerinden
soradylar, ahyry sorap-idäp, muny
Ýowaşyň ogly Gidegonyň edendigini
bildiler. 30 Adamlar Ýowaşa: «Ogluňy
daşary çykar, ol ölmeli, sebäbi Bagalyň
gurbanlyk sypasyny ýykypdyr, onuň
ýanyndaky Aşera butuny çapypdyr»
diýdiler 31 Ýowaş özüniň töweregine
üýşen mähellä: «Bagaly goramak si-
ze galypmy? Siz ony goldaýaňyzmy?
Onuň tarapyny tutan daňdana çenli öler.
Eger Bagal hudaý bolýan bolsa, özüni
ýykandan aryny özi alsyn, Bagalyň

özi hasaplaşsyn» diýdi. 32 Şol günden
başlap, Gidegony Ýerubagal[a] diýip
atlandyrdylar, sebäbi ol Bagalyň gur-
banlyk sypasyny ýykdy.

33 Şu wakadan soň midýanlar, ama-
lekler, gündogaryň beýleki halklary
birleşdiler we Iordan derýasyndan geçip,
Ýizregel jülgesinde düşelge gurdular.
34 Gidegona Rebbiň Ruhy indi. Şondan
soň Gidegon surnaý çalyp, abygezer
urugyny öz yzyna düşmäge çagyrdy.
35 Ol Manaşanyň ähli tirelerine adam
iberip, ol ýeriň halkyny öz ýanyna topla-
dy. Ol aşerlere, zebulunlara, naftalylara
hem çaparlar ýollady. Olar hem söweşe
çykdylar.

36 Gidegon Hudaýa şeýle diýdi: «Ys-
raýyllary meniň üstüm bilen halas
etjekdigiňe beren sözüň çyn bolsa, onda
37 men harmanda goýun ýüňüni düşäýin.
Eger daňdanyň çygy diňe ýüňüň üstüne
düşüp, onuň töweregindäki ýerler gu-
rulygyna galsa, onda Seniň Ysraýyly
meniň üstüm bilen halas etjekdigiňe
göz ýetirerin». 38 Şeýle hem boldy. Er-
tesi irden Gidegon ýüňi sykyp, ondan
bir jam suw aldy. 39 Gidegon Hudaýa:
«Meni ýazgarma. Senden ýene bir zat
dilemäge maňa rugsat et: goýun ýüňi
bilen ýene bir gezek synag edip göreýin.
Goý, indi ýüň gurulygyna galsyn-da,
onuň töweregindäki ýerler çyg bolsun»
diýdi. 40 Hudaý şol gije şeýle hem etdi:
ýüň gury galyp, onuň töweregindäki
ýerlere çyg düşdi.

## 7-nji bap

### *Gidegon midýanlar bilen söweşýär*

1 Ýerubagal (ýagny Gidegon) hem-de
onuň ýanyndaky adamlar daňdan Harot
çeşmesiniň başynda düşlediler. Midýan-
laryň düşelgesi olardan demirgazykda,
More depesiniň ýanyndaky jülgededi.

2 Reb Gidegona: «Seniň ýanyňdaky
goşun Meniň midýanlary siziň eliňize
bererimden juda köp. Ýogsam, ysraýyl-
lar: „Öz güýjümiz bilen halas bolduk“
diýşip, Meniň öňümde öwnerler. 3 Sen
halka eşitdirip: „Kim gorkak we ýygra
bolsa, Gilgat daglaryndan yzyna dolan-
syn“ diýip jar et» diýdi. Gidegon olary
synagdan geçirdi. Ýigrimi iki müň adam
yzyna gaýtdy. On müň adam şol ýerde
galdy. 4 Reb Gidegona: «Entegem adam
köp, olary suwuň ýakasyna getir. Men
Özüm saňa olary saýlap bereýin. Meniň
saňa: „Goý, seniň bilen gitsin“ diýen
adamlarym seniň bilen gitsinler, „Se-
niň bilen gitmesin“ diýenlerim gitmeli
däldirler, şolar gitmesinler» diýdi. 5 Ol
adamlary suwuň boýuna getirdi. Reb
Gidegona: «Suwy itiň içişi ýaly dili bilen
içenleri bir aýry duruz, dyzyna çöküp,
eglip içenleri bir aýry duruz» diýdi. 6 Su-
wy goşawujyna alyp, dili bilen içenler
üç ýüz adam boldy; beýleki adamlaryň
hemmesi dyzyna çöküp içdi. 7 Reb Gi-
degona: «Suwy dili bilen içen üç ýüz
adam bilen sizi halas ederin; midýanlary
siziň eliňize bererin; galan ähli adamlar
öz öýlerine gaýtsynlar» diýdi. 8 Şeýdip,
Gidegon beýleki ysraýyllaryň iýer-içer
ýaly zatlaryny hem-de surnaýlaryny
alyp, olaryň hemmesini öz çadyrlary-
na goýberdi. Üç ýüz adamy bolsa alyp
galdy. Midýanlaryň düşelgesi jülgede,
olaryň aşak tarapyndady.

9 Şol gije Reb oňa: «Tur, duşmanyň
düşelgesine garşy söweşmäge düş, çünki
Men olary seniň eliňe berýärin. 10 Eger
sen duşmanyň düşelgesine söweşe

[a] **6:32** ***Ýerubagal*** – bu söz *Bagalyň özi göreşsin* diýmegi aňladýar.

gitmäge gorksaň, öz hyzmatkäriň Fu-
ra bilen bile gidäý. [11]Sen olaryň näme
gürrüň edýänlerini diňlärsiň, şondan soň
düşelgä garşy söweşmäge seniň elleriň
kuwwatlanar» diýdi. Gidegon öz hyz-
matkäri Fura bilen düşelgedäki ýaragly
goşunyň göni üstüne gitdiler. [12]Midýan-
lardyr amalekler we gündogar halklaryň
hemmesi jülgäniň boýuna edil çekirtge
üýşen ýalydy. Düýeleri şeýle bir köpdi,
olar edil deňiz ýakasyndaky çäge deý
sansyz-sajaksyzdy. [13]Gidegon ol ýere
gelende, bir adam dostuna gören düýşüni
aýdyp berip otyrdy. Ol: «Düýşümde bir
tegelek arpa çöregi midýanlaryň düşel-
gesiniň üstünden togalanyp, çadyra gelip
urýar-da, ony ýykýar, çadyr ýranyp
dargaýar» diýýär. [14]Beýleki dosty oňa:
«Bu ysraýylly Ýowaşyň ogly Gidegonyň
gylyjydyr. Midýanlary we onuň düşel-
gelerindäki tutuş goşunyny Hudaý onuň
eline berdi» diýip jogap berýär.

[15]Gidegon bu düýşi diňläp, onuň ýor-
gudyny eşidenden soň, Rebbe sežde etdi.
Ol ysraýyllaryň düşelgesine dolanyp
geldi-de: «Turuň, çünki Reb midýanla-
ryň goşunyny siziň eliňize berdi» diýdi.
[16]Soňra Gidegon üç ýüz adamy üç bölü-
me böldi-de, hemmesiniň eline şahdan
edilen surnaý, boş küýze we küýzäniň
içine-de çyra salyp berdi. [17]Soň olara
ýüzlenip: «Maňa serediň, meniň edenimi
gaýtalaň. Olaryň düşelgesine golaýlany-
myzda, meniň eden hereketimi siz hem
edersiňiz. [18]Men bilen ýanymdakylar
surnaý çalarys, siz hem düşelgäniň da-
şyna aýlanyp surnaý çalyň hem-de „Reb
üçin we Gidegon üçin!“ diýip gygyryň»
diýip tabşyrdy.

[19]Gidegon bilen ýüz adam ýarygijäniň
öň ýany, sakçylaryň ýaňy çalşylan wagty,
düşelgäniň bir ujundan geldiler-de, sur-
naýlaryny çalyp, ellerindäki küýzelerini
döwdüler. [20]Üç bölümdäkileriň hemme-
si-de surnaýlaryny çalyp, küýzelerini
döwdüler. Çep elinde çyrany saklap, sag
elinde surnaý çaldylar hem-de: «Reb
üçin, Gidegon üçin söweşe çykalyň!»
diýip gygyryşdylar. [21]Her biri düşelgäniň
töwereginde öz orunlarynda durdular: tu-
tuş düşelgedäkileriň hemmesi ylgaşdylar,
gygyryşdylar we gaçyp başladylar. [22]Üç
ýüz adamyň surnaý çalan wagtyndan
başlap, Rebbiň emri bilen düşelgedäki
midýanlar biri-birini gylyçlap öldürdi-
ler. Midýanlaryň goşuny Serera tarap
Beýtşitta çenli, Tabadyň golaýyndaky
Abelmeholanyň serhedine gaçdy. [23]Naf-
talylaryň, aşerleriň tiresinden hem-de
manaşalaryň ähli kowumlaryndan bolan
ysraýyllar çagyryldylar. Olar midýanla-
ryň yzyndan kowaladylar.

### *Gidegon we efraýymlar*

[24]Soňra Gidegon tutuş Efraýym dag-
lygynda ýaşaýanlara öz habarçylaryny
ýollap: «Geliň, midýanlaryň garşysyna
söweşiň. Midýanlara üstünden geçmäge
ýol bermez ýaly, Iordan derýasyny we
Beýtbara çenli bolan suw çeşmelerini
eýeläň» diýdi. Hemme efraýymlar çagy-
ryldy, olar Beýtbara çenli çeşmeleri we
Iordan derýasyny eýelediler. [25]Midýanla-
ryň iki baştutanyny: Orebi we Zeýebi ele
saldylar. Orebi Orep gaýasynda, Zeýebi
bolsa üzüm sykylýan ýerde öldürdiler
(soňra ol ýer Zeýep diýlip atlandyrylyp-
dyr). Efraýymlar midýanlaryň yzyndan
kowdular. Orep bilen Zeýebiň kellesini
kesip, Iordanyň gündogarynda bolýan
Gidegona eltip berdiler.

## 8-nji bap

[1]Soňra efraýymlar Gidegona: «Sen
näme üçin beýle etdiň, näme üçin
midýanlar bilen söweşmäge gideniňde

bizi çagyrmadyň?» diýdiler. Olar Gide-
gony gaty ýazgardylar. 2 Gidegon olara:
«Siziň bitiren işiňiziň ýanynda meniň-
ki dagy näme? Efraýym Abygezeriň
ýygnan üzüminden köp ýygyp, özüni
bagtly hasaplamanmydy näme? 3 Hudaý
Midýan baştutanlary Orep bilen Zeýebi
siziň eliňize berdi. Men siziňkiçe iş bi-
tirip bildimmi?» diýdi. Bu sözleri eşidip,
efraýymlaryň gahary köşeşdi.

### *Gidegon midýanlary ýeňýär*

4 Gidegon ýadaw bolsa-da, duşmanyň
yzyndan kowalamagy dowam edip, öz
üç ýüz adamy bilen Iordan derýasyndan
geçdi. 5 Ol Sukodyň ilatyna: «Meniň
yzymdan gelýän adamlaryma çörek
beriň, olar gaty ýadaw. Men midýan
baştutanlary Zebah bilen Salmunnany
yzarlap barýaryn» diýdi. 6 Emma Su-
kodyň ýolbaşçylary: «Seniň goşunyňa
näme üçin çörek bereli? Zebahy we Sal-
munnany siz ele saldyňyzmy näme?!»
diýdiler. 7 Gidegon: «Bolýar, Reb Zebahy
we Salmunnany meniň elime berenden
soň, şu bolşuňyz üçin sizi çöl agajynyň
tikenleri bilen hem-de böwürslen çy-
byklary bilen teniňizi parçalaryn» diýdi.
8 Gidegon bu ýerden çykyp, Peniýele[a]
gitdi we onuň ilatyna-da öňki aýdan-
laryny gaýtalady, olar hem Sukodyň
ilatynyň beren jogaby ýaly jogap berdiler.
9 Ol Peniýeliň ilatyna-da: «Ýeňiş bilen
yzyma dolanyp gelenimde, şu diňiňizi
ýykaryn» diýdi.
10 Zebah bilen Salmunna Karkorda-
dy. Gündogaryň ilatyndan ýygnanan,
tutuş goşundan diri galan on bäş mü-
ňe golaý esger hem olaryň ýanyndady.
Olaryň ýüz ýigrimi müň söweşijileri
bolsa öldürilipdi. 11 Gidegon Noba bilen
Ýogbohanyň gündogaryndaky kerwen
ýoly bilen baryp, olaryň garaşmadyk
wagtynda duýdansyz olara zarba urdy.
12 Midýanlaryň Zebah bilen Salmunna
atly iki baştutany gaçdy, emma Gide-
gon olary kowalap tutdy. Bütin goşun
aljyraňňylyga düşdi.
13 Ýowaşyň ogly Gidegon Heres geçi-
diniň üsti bilen uruşdan gaýdyp geldi.
14 Ol Sukodyň ilatyndan bir ýaş ýetgin-
jegi tutdy-da, ony sorag etdi. Ol Sukot
baştutanlarynyň we ýaşulularynyň ýet-
miş ýedi sanysynyň adyny ýazyp berdi.
15 Gidegon Sukodyň ilatynyň ýanyna
gelip: «Siz: „Seniň ýadaw adamlaryňa
çörek berer ýaly, Zebahy we Salmunna-
ny ele saldyňyzmy näme?“ diýip, meniň
üstümden gülüpdiňiz. Ine, Zebah bilen
Salmunna» diýdi. 16 Olar Sukodyň ýaşu-
lularyny we galanyň ilatyny çöl agajynyň
tikenleri hem-de böwürslen çybyklary
bilen jezalandyrdylar. 17 Penuwal diňini
ýykyp, galanyň ilatyny gyrgyna berdiler.
18 Gidegon Zebah bilen Salmunna-
dan: «Siziň Taborda öldürenleriňiz
nähili adamlardy?» diýip sorady. Olar:
«Seniň ýalydylar, şazada sypatlydylar»
diýip jogap berdiler. 19 Gidegon: «Olar
meniň süýtdeş doganlarymdy. Rebden
ant içýärin, eger siz olary öldürmedik
bolsaňyz, men hem sizi öldürmezdim»
diýdi. 20 Ol özüniň nowbahar ogly Ýete-
re: «Tur, olary öldür!» diýdi. Ýetginjek
gylyjyny çykarmady, sebäbi entek ýaş
bolany üçin gorkýardy. 21 Zebah bilen
Salmunna Gidegona: «Tur-da, özüň bizi
öldür, sebäbi erkek adamyň işini diňe
erkek bitirip biler» diýdiler. Gidegon tu-
rup, Zebah bilen Salmunnany öldürdi-de,
olaryň düýesiniň boýnundaky ýarym aý
şekilli şaý-seplerini aldy.

[a] **8:8** ***Peniýel*** – ýewreýçe *Penuwel.* Bu Peniýeliň beýleki adydyr.

[22]Ysraýyllar Gidegona: «Seniň özüň,
ogluň, agtygyň bize patyşa bolsun, çünki
sen bizi midýanlaryň elinden halas et-
diň» diýdiler. [23]Gidegon olara: «Menem,
meniň oglumam size patyşa bolmaz.
Reb size patyşa bolar» diýdi. [24]Gide-
gon olara: «Olja edip alan altyn gulak
halkalaryňyzdan maňa heriňiz birini
beriň» diýdi. (Duşmanda gulakhalka
köpdi, çünki olar ysmaýyllardy.) [25]Olar:
«Höwes bilen bereris!» diýip, ýere geýim
düşäp, onuň üstüne adam başyna bir
gulak halka taşladylar. [26]Altyn-kümüş
düwmelerden, midýan patyşalarynyň
goýy gyrmyzy reňkli geýimlerinden
hem-de olaryň düýeleriniň boýnuna da-
kylýan altyn halkalaryndan başga, onuň
ýygnan diňe gulak halkalarynyň agramy
takmynan bir batman [a] boldy. [27]Gidegon
olardan efot ýasady we ony öz galasy bo-
lan Oprada goýdy. Soňra ähli ysraýyllar
ol ýere gatnap, efoda sežde etdiler. Bu
Gidegona hem-de onuň öýündäkileriň
ählisine gurlan duzakdy. [28]Şeýlelikde,
midýanlar ysraýyllara boýun egdiler
hem-de şondan soň olara baş galdyr-
madylar. Şeýdip, Gidegonyň döwründe
ysraýyllar kyrk ýyllap parahat ýaşadylar.

### *Gidegonyň ölümi*

[29]Ýowaşyň ogly Ýerubagal öz öýüne
gidip, şol ýerde ýaşap başlady. [30]Gide-
gon köp aýally bolansoň, onuň ýetmiş
ogly bardy. [31]Şekemde ýaşaýan gyrnagy
hem oňa bir ogul dogrup berdi. Onuň ady
Abymelekdi. [32]Gidegon gojalyk ýaşyna
ýetip öldi, ony abygezer urugynyň Opra
galasynda, öz atasy Ýowaşyň gubry goý-
lan gümmezde jaýladylar.

[33]Gidegon ölensoň, ysraýyllar Ba-
gal butlaryna sežde edip, zyna etdiler;
Bagalberiti özleriniň hudaýy saýyp baş-
ladylar. [34]Ysraýyllar daş-töweregindäki
ähli duşmanlaryň elinden halas eden
özleriniň Hudaýy Rebbi ýatlamady-
lar. [35]Şeýle hem, Ysraýyla we özlerine
eden ähli haýyrly işleri üçin Ýerubaga-
lyň (ýagny Gidegonyň) öýüne wepaly
bolmadylar.

## 9-njy bap

### *Abymelek*

[1]Ýerubagalyň ogly Abymelek Şekeme
baryp, daýylaryna we öz ejesiniň äh-
li kowumlaryna ýüzlenip: [2]«Şekemiň
ähli ilatyna şuny ýetiriň: Size Ýeru-
bagalyň ýetmiş oglunyň ýolbaşçylyk
edeni gowumy ýa bir adamyň? Meniň
öz süýegiňizden we teniňizdendigimi
unutmaň» diýdi. [3]Onuň daýylary muny
Şekemiň ilatyna ýetirip, olary ynandyr-
dylar, olaryň göwünleri Abymelege tarap
öwrüldi. «Ol biziň doganymyz ahyryn»
diýdiler. [4]Olar Abymelege Bagalberit
buthanasyndan ýetmiş kümüş teňňe
alyp berdiler. Belli bir işiň başyny tut-
man, işsiz, göwne gelenini edip, göwün
hoşlap gezip ýören adamlara Abymelek
şol kümüşleri berip, olary hakyna tutdy-
da, öz yzyna düşürdi. [5]Abymelek Opra
galasyna öz atasynyň öýüne geldi we
Ýerubagalyň ýetmiş ogluny, ýagny öz
doganlaryny bir daşyň üstünde öldürdi.
Diňe Ýerubagalyň iň kiçi ogly Ýotam
gaçyp gizlenip, diri galdy. [6]Şekemiň
ähli ilaty we Beýtmillonyň ilatynyň
hemmesi baryp, Şekemiň golaýynda-
ky dub agajynyň ýanynda Abymelegi
patyşa diýip yglan etdiler.

[7]Bu hakda Ýotama gürrüň berenle-
rinde, ol Gerizim dagyna gidip, onuň

[a] **8:26** ***Bir batman*** – ýewreýçe *bir müň ýedi ýüz şekel*. Bu takm. 20 kg deňdir.

depesine çykdy-da, belent ses bilen gy-
gyryp, şeýle diýdi: «Eý, Şekemiň ilaty!
Meni diňläň, eger şeýtseňiz, Hudaý hem
siziň dilegiňizi diňlär.
8Günlerde bir gün agaçlar özlerine
patyşa saýlamakçy boldular. Olar zeý-
tun agajyna ýüzlenip: „Bize patyşa bol“
diýipdirler.
9Zeýtun olara: „Men hudaýlara we
adamlara berýän hezzetli ýagymy taşlap,
başga agaçlaryň üstünden höküm sür-
mäge giderinmi?“ diýip jogap beripdir.
10Soňra agaçlar injir agajyna:
„Gel-de, sen bize patyşa bol“ diýip ýüz
tutupdyrlar.
11Injir olara: „Men özümiň şirin-şeker
iýmişimi taşlap, agaçlaryň üstünden
höküm sürmäge giderinmi?“ diýip jo-
gap beripdir.
12Soň olar üzüm agajyna: „Gel-de,
biziň üstümizden patyşalyk et“ diýip-
dirler. 13Üzüm agajy olara: „Men näme
hudaýlaryň we adamlaryň göwnüni gö-
terýän şirin-şerbetimi taşlap, agaçlaryň
üstünden höküm sürmäge giderinmi?“
diýip jogap beripdir.
14Iň soňunda ähli agaçlar tikenli aga-
ja: „Bize sen patyşa bolaý“ diýipdirler.
15Tikenli agaç beýleki agaçlara bakyp:
„Eger siz meniň, hakykatdan hem, özüňi-
ze patyşa bolmagymy isleýän bolsaňyz,
onda meniň saýamda bukulyň. Eger
şeýtmeseňiz, onda tikenli agaçdan ot
çykyp, Liwanyň kedr agaçlaryny ýa-
kyp-ýandyrar“ diýipdir.
16Ine, indi bir seredip görüň, çynyňyz
bilen ak ýürekden Abymelegi patyşa saý-
ladyňyzmy? Ýerubagaly hem onuň öýüni
nätdiňiz, onuň haýyrly işlerine mynasyp
iş etdiňizmi? 17Meniň kakam siz üçin
söweşdi, öz janyny gaýgyrmady. Ol sizi
midýanlaryň elinden halas etdi. 18Indi
siz meniň kakamyň öýündäkileriniň
garşysyna gidip, onuň ýetmiş ogluny
bir daşyň üstünde öldürdiňiz, onuň
gyrnagyndan bolan ogly Abymelegi
bolsa Şekemiň ilatynyň üstünden patyşa
edip goýduňyz, sebäbi ol siziň dogany-
ňyz. 19Eger çynyňyz bilen ak ýürekden
Ýerubagal bilen onuň maşgalasyna dog-
ry iş eden bolsaňyz, onda Abymelege
şatlanyň, ol hem size şatlansyn. 20Em-
ma beýle etmedik bolsaňyz, onda, goý,
Abymelekden ot çykyp, Şekemiň we
Beýtmillonyň ilatyny ýaksyn. Şekemiň
we Beýtmillonyň ilatyndan ot ýaýrap,
Abymelegi köýdürsin». 21Soňra Ýotam
Beýere gaçyp gitdi we ol ýerde dogany
Abymelekden gizlenip ýaşady.
22Abymelek Ysraýyla üç ýyl ýolbaşçy-
lyk etdi. 23Hudaýyň emri bilen Şekemiň
ilaty Abymelegiň garşysyna gidip baş-
lady. 24Bu Ýerubagalyň ýetmiş oglunyň
nähak ganyny döken Abymelekden we
oňa muny etmäge goltgy beren Şekem
ilatyndan ar almak üçin şeýle boldy.
25Şekemliler dagyň ýokarsynda talaň-
çylary goýdular. Olar özleriniň deňinden
geçýänleriň ählisini taladylar. Bu barada
Abymelege habar ýetirildi.
26Abymelege garşy çykan Ýebediň
ogly Gagal öz doganlary bilen Şekeme
geldi. Şekemiň ilaty olara bil baglady.
27Olar meýdana çykyp, öz üzümlerini
ýygdylar. Üzüm ýenjilýän sokuda ýenjip,
sykyp suwuny aldylar. Baýram etdiler,
öz hudaýlaryna sežde etdiler. Iýip-içip,
Abymelegi näletlediler. 28Gagal şonda:
«Biz Abymelege gulluk eder ýaly, Aby-
melek kim? Biz nähili adam ekenik?
Onuň atasy Ýerubagal dälmi? Onuň
ýolbaşçysy Zebul dälmi? Gowusy, şe-
kemlileriň atasy Hamoryň kowumlaryna
gulluk ediň, Abymelege gulluk etmek
nämä gerek? 29Eger-de halk Abymelegi
meniň elime berse, men ony kowardym

we Abymelege: „Öz esgerleriňiň sanyny
köpelt-de, söweşe çyk“ diýerdim» diýdi.
30 Gagalyň aýdan sözlerini eşidende,
galanyň ýolbaşçysy Zebulyň gahary
kekirdegine geldi. 31 Ol hilegärlik bilen
Arumadaky Abymelege gizlin habar
iberdi: «Ine, Gagal we onuň doganlary
Şekeme gelip, halky seniň garşyňa aýaga
galdyrýarlar. 32 Siz şeýle ediň: özüň we
ýanyňdakylar gije turuň-da, meýdanda
bukuda esgerleri oturdyň. 33 Irden, Gün
doguberende, turuň-da, gala hüjüm ediň,
Gagal we onuň ýanyndaky adamlar
öňüňizden çykanda, sen olary aýaman,
eliňde baryny et».
34 Gije Abymelek we onuň ýanyndaky
adamlar Şekemiň golaýynda dört topar
edip, esgerlerini goýdular. 35 Gagal gelip,
galanyň derwezesiniň ýanynda durdy.
Abymelek hem-de bukuda oturan adam-
lar bukudan çykyp ýörediler. 36 Gagal
gelýän adamlary görüp, Zebula: «Ana,
dagyň ýokarsyndan adamlar aşak inip
gelýärler» diýdi. Zebul oňa: «Dagyň
kölegesi saňa adam bolup görünýändir»
diýdi. 37 Gagal ýene-de: «Ine, adamlar be-
ýikden aşak inip gelýärler. Bir bölümiň
esgerleri palçynyň dub agajyndan bärik
gelýärler» diýdi. 38 Zebul oňa: «Hany indi
seniň „Biz Abymelege gulluk eder ýaly,
ol kimmişin?“ diýen diliň nirede? Bular
seniň şol äsgermedik adamlaryň dälmi
näme? Bar, indi çyk-da, olar bilen sö-
weş-dä!» diýdi. 39 Gagal Şekem ilatynyň
öňüne düşüp gitdi-de, Abymelek bilen
söweşdi. 40 Abymelek onuň yzyndan
kowalady; Gagal ondan gaçdy. Gala
derwezesine çenli aralykda bolan sö-
weşde köp adam gyryldy. 41 Abymelek
Arumada galdy. Zebul Gagaly we onuň
doganlaryny Şekemden çykaryp kowdy.
42 Ertesi halk ekin meýdanyna çykdy.
Bu barada Abymelege habar berdiler.
43 Ol öz adamlaryny alyp, olary üç
bölüme böldi-de, meýdanda bukuda
oturtdy. Halkyň galadan çykanyny gö-
rende, duýdansyz olaryň üstüni basyp,
olary gyrdyrdy. 44 Abymelek we onuň
ýanyndaky goşun bölümi galanyň der-
wezesiniň agzyna tarap süýşende, onuň
beýleki iki bölümi meýdandakylaryň
üstüne çozup, olary gyrdylar. 45 Aby-
melek uzynly gün söweşdi we galanyň
ilatyny gyryp, galany weýran etdi we
ol ýere duz sepdirdi.
46 Şekemiň golaýyndaky Eýlberit yba-
dathananyň baştutanlary muny eşidip,
ybadathananyň iň berk gorag ýerine
girdiler. 47 Abymelek bu hakda eşidende,
48 ýanyndaky adamlar bilen Salmon da-
gyna gitdiler. Abymelek öz ýany bilen
palta äkidip, agaç şahalaryny çapdy-da,
egnine aldy we ýanyndakylara: «Men
näme eden bolsam, siz hem derrew şony
ediň» diýdi. 49 Esgerleriň her biri agaç
çybyklaryny çapyp, Abymelegiň yzy
bilen gitdiler we çybyklary ybadatha-
nanyň töweregine üýşürip, ony otladylar.
Eýlberit ybadathanasyndaky müňe golaý
erkekler we aýallar öldüler.
50 Soňra Abymelek gidip, Tebez diýen
galany gabady we ony eýeledi. 51 Galanyň
ortarasynda berk diň bardy. Aýal-erkek,
umuman, galanyň ilatynyň hemmesi
şol ýere gaçdylar. Olar diňiň içine girip,
gapylaryny beklediler we onuň depesi-
ne çykdylar. 52 Abymelek diňiň ýanyna
gelip, onuň daşyny gabady, ony otlamak
üçin gapylarynyň ýanyna bardy. 53 Şonda
bir aýal degirmen daşyny Abymelegiň
kellesinden zyňyp, onuň kelleçanagyny
döwdi. 54 Abymelek şol mahal öz ýa-
nyndaky ýarag göterýän ýetginjegini
çagyrdy-da, oňa: «Gylyjyňy ýalaňaçla-
da, meni öldür, men barada „Ony aýal
öldürdi“ diýlen gürrüň ýaýramasyn»

diýdi. Ýetginjek dessine oňa gylyjyny
saldy, ol jan berdi. 55 Abymelegiň ölenini
gören ysraýyllaryň hersi öz öýli-öýüne
dolandy.

56 Şeýdip, Abymelegiň öz ýetmiş sany
doganyny öldürip, atasynyň öýüne eden
hyýanatçylygyny Hudaý onuň özüne
görkezdi. 57 Şekemiň ilatynyň eden ähli
jenaýatçylygyny Hudaý olaryň öz baş-
laryna saldy. Olary Ýerubagalyň ogly
Ýotamyň gargyşy tutdy.

## 10-njy bap

### *Tola serdar*

1 Abymelekden soň Ysraýyly halas
etmek üçin ysakar tiresinden Dodonyň
agtygy, Puwanyň ogly Tola aýaga galdy.
Ol Efraýym daglygynda ýerleşýän Şa-
myr diýen ýerde efraýymlaryň arasynda
ýaşady. 2 Ol ýigrimi üç ýyl Ysraýyla
serdar boldy. Soňra ol dünýäden ötdi,
ony Şamyrda jaýladylar.

### *Ýaýyr serdar*

3 Ondan soň, Ysraýyla ýigrimi iki ýyl-
lap Gilgatly Ýaýyr serdar boldy. 4 Onuň
otuz ogly bardy; olaryň hersi bir eşek
münüp, Gilgadyň otuz galasyna öz hö-
kümlerini ýöredýärdiler. Henize çenli
şol galalar Hawotýaýyr [a] diýlip atlan-
dyrylýar. 5 Ýaýyr aradan çykanda, ony
Kamon galasynda jaýladylar.

### *Ysraýyllar ýene Rebbe ýalbarýarlar*

6 Ysraýyllar ýene Rebbiň ýigrenýän
işlerini edip başladylar. Ysraýyllar Bagal
bilen Aştoret butlaryna hem-de Siriýa-
nyň, Sidonyň, Mowabyň, Ammonyň,
piliştlileriň hudaýlaryna gulluk edip
başladylar. Olar Rebbi terk edip, Oňa
gulluk etmediler. 7 Şonuň üçin Rebbiň
Ysraýyla gahary geldi. Ol ysraýyllary pi-
liştlileriň we ammonlylaryň eline berdi.
8 Şol ýyl olar ysraýyllary dargadyp, olara
gaty azar berdiler. Iordanyň gündoga-
ryndaky Gilgatda, ýagny amorlaryň
ýerinde ýaşaýan ähli ysraýyllara olar on
sekiz ýyllap sütem etdiler. 9 Iň soňunda
ýahuda, benýamin we efraýym tireleri
bilen uruşmak üçin ammonlylar Iordan-
dan geçdiler. Ysraýyllar uly gaýgy-alada
galdylar. 10 Olar Rebbe ýüzlenip: «Biz
Seniň öňüňde günä etdik, öz Hudaýymyz
Seni terk edip, Bagal butlaryna gulluk
etdik» diýip eňreşdiler.

11 Reb ysraýyllara şeýle diýdi: «Si-
zi müsürlileriň hem, amorlaryň hem,
ammonlylaryň hem, piliştlileriň hem
elinden azat eden Men dälmi? 12 Sidonlar,
amalekler we mowaplylar size sütem
eden wagty Meni çagyranyňyzda, Men
sizi olaryň elinden halas etdim. 13 Siz
Meni unutdyňyz we başga hudaýlara
gulluk etdiňiz, şonuň üçin Men size
indi rehim etjek däl. 14 Baryň, öz saý-
lan hudaýlaryňyza ýüz tutuň, gysaja
düşeniňizde, sizi, goý, şolar halas edi-
bersinler». 15 Ysraýyllar Rebbe ýüzlenip:
«Biz Seniň öňüňde günäli, bize islän
jezaňy berip bilersiň, ýöne bu gün bizi
halas et!» diýdiler. 16 Şeýdip, olar keseki
hudaýlardan ýüz öwrüp, ýene Rebbe
gulluk edip başladylar. Reb olara ýe-
ne-de dözmedi.

17 Ammonlylar üýşüp, Gilgatda düşelge
gurdular. Ysraýyllar ýygnanyp, Mispada
düşelge gurdular. 18 Gilgat halkynyň tire-
başylary biri-birilerine: «Ammonlylaryň
garşysyna kim ilkinji bolup urşa başlasa,
şol adam Gilgadyň tutuş ilatyna baştutan
bolar» diýdiler.

---

[a] **10:4** ***Hawotýaýyr*** – bu söz *Ýaýyryň obalary* diýmegi aňladýar.

## 11-nji bap

### *Ýeftah serdar*

1 Gilgat urugyndan Ýeftah diýen bir
edermen urşujy bardy. Ýeftahyň ejesi
lolydy; kakasynyň ady Gilgatdy. 2 Gil-
gadyň öz nikaly aýalyndan birnäçe ogly
bardy. Olar ulalyp, ýigit çykanlarynda,
olar Ýeftaha: «Sen başga aýaldan bolan
ogulsyň, şoňa görä sen biziň atamyzyň
öýünden hiç zat miras almarsyň» diýip,
ony kowdular. 3 Ýeftah öz doganlaryndan
gaçyp, Top diýlen ýerde ornaşdy we da-
şyna üýşen bozgaklara baş bolup ugrady.
4 Birnäçe wagtdan soň ammonlylar
ysraýyllaryň üstüne çozdular. 5 Şonda
Gilgadyň ýaşululary Ýeftahy alyp gaýt-
mak üçin Top ülkesine gitdiler. 6 Olar
Ýeftaha: «Sen gel-de, bize serkerde bol,
ammonlylar bilen urşaly» diýdiler. 7 Em-
ma Ýeftah olara: «Meni ýigrenip, atamyň
öýünden kowanlar siz dälmi, eýsem? Bu
günki gün başyňyza iş düşende, men
size gerek boldummy?» diýdi. 8 Şonda
Gilgadyň ýaşululary Ýeftaha: «Şeýle
bolan bolsa-da, biz indi saňa tarap öwrül-
dik. Ýör, bile ammonlylaryň garşysyna
söweşeli! Sen biziň üstümizden, tutuş
Gilgat halkyna baştutanlyk et!» diýdiler.
9 Ýeftah olara: «Eger-de siz ammonlylar
bilen söweşmek üçin meni yzyma alyp
gitseňiz, Reb hem olary meniň elime
berse, şonda men baştutanyňyz bolaryn»
diýdi. 10 Gilgat ýaşululary Ýeftaha: «Bize
Reb şaýat bolsun, biz seniň sözüňden
çykmarys» diýdiler. 11 Şeýlelikde, Ýef-
tah Gilgat ýaşululary bilen gitdi. Halk
ony özüne baştutan we serkerde edip
saýlady. Ýeftah şonda Mispada Rebbiň
huzurynda söz sözledi.
12 Ýeftah Ammon patyşasyna: «Sen
meniň ýurdumyň üstüne çozar ýaly,
aramyzda näme bolan zat bar?» diýen
sözleri aýtmak üçin, onuň ýanyna öz
ilçilerini iberdi. 13 Ammon patyşasy
Ýeftahyň ilçilerine şeýle jogap berdi:
«Ysraýyllar Müsürden gaýdyp gel-
ýärkäler, Arnondan Ýabok we Iordan
derýalaryna çenli aralykdaky ýerleri-
mi meniň elimden aldylar; şol ýerleri
maňa uruşsyz gaýdyp ber». 14 Ýeftah
Ammon patyşasynyň ýanyna täzeden
ilçiler iberdi. 15 Oňa şu aşakdakylary
aýtmaklaryny buýurdy:
«Ýeftah muny aýdýar: ysraýyllar mo-
waplylaryň we ammonlylaryň ýurduny
almady, 16 sebäbi ysraýyllar Müsürden
çykanlarynda, Gyzyl deňze [a] çenli çölüň
üsti bilen gidip, Kadeşe geldiler. 17 Soňra
olar: „Ýurduňyň içinden geçmäge bize
rugsat et“ diýen haýyş bilen Edom pa-
tyşasyna öz ilçilerini iberdiler, emma
Edom patyşasy diňlemedi. Ysraýyllar
Mowap patyşasynyň ýanyna hem ilçiler
ýolladylar, emma ol hem razy bolmady.
Şoňa görä ysraýyllar Kadeşde galdylar.
18 Olar çölüň içi bilen Edom hem-de
Mowap ýurdundan sowa geçdiler-de,
Mowabyň gündogar araçäginde, Ar-
nonyň aňyrsynda ýerleşdiler, emma
Mowabyň meýdanynyň içine girmedi-
ler, çünki Arnon Mowabyň çägi bolup
durýardy. 19 Soňra ysraýyllar Heşbon ga-
lasyna, amorlaryň hany Sihonyň ýanyna
öz ilçilerini iberip: „Ýurduňyň içinden
geçip, öz ýerimize aralaşmaga rugsat et“
diýdiler. 20 Emma Sihon ysraýyllaryň
geçip gitmegine razylyk bermedi. Ol
öz halkyny ýygnap, Ýahsada düşelge
gurdy we ysraýyllar bilen söweşe girdi.
21 Ysraýyl Hudaýy Reb Sihony hem-de

[a] **11:16** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

onuň halkyny ysraýyllaryň eline berdi.
Ysraýyllar olary ýeňdiler. 22 Olar amor-
laryň Arnondan Ýabok derýasyna çenli
we çölden tä Iordana çenli bolan ähli
ýerini basyp aldylar. 23 Şeýdip, Ysra-
ýyl Hudaýy Reb Öz halky Ysraýylyň
bähbidi üçin amorlary basyp aldy. Indi
hem sen olary yzyna aljak bolýarsyňmy?
24 Sen öz hudaýyň Kemoşyň özüňe be-
ren ýeriniň üstünden eýelik edeňokmy
näme? Biz hem Hudaýymyz Rebbiň
biziň bähbidimiz üçin basyp alan ýerine
eýelik edýäris. 25 Sen Mowap patyşasy
Siporyň ogly Ballakdan gowumy näme?
Ol Ysraýyl bilen tersleşdimi ýa uruş-
dymy? 26 Ysraýyllar eýýäm üç ýüz ýyl
bäri Heşbonda we oňa degişli obalarda,
Arogerde we oňa degişli obalarda hem-
de Arnona ýakyn ähli galalarda ýaşap
gelýärler. Siz näme üçin şonça wagtlap
ol galalary eýelemediňiz? 27 Men seniň
öňüňde günäkär däl, sen bolsa meniň
garşyma uruş başlap, maňa ýamanlyk
edýärsiň. Indi, goý, hököm ýöredýän Reb
ysraýyllar bilen ammonlylaryň arasynda
hökümdar bolsun-da, höküm çykarsyn».
28 Emma Ýeftahyň bu sözlerine Ammon
patyşasy gulak asmady.

29 Ýeftaha Rebbiň Ruhy inipdi. Ol Gil-
gadyň we Manaşanyň üstünden geçdi.
Ol Gilgatdaky Mispäniň üstünden geçip,
ammonlylaryň üstüne gitdi. 30 Ýeftah
Rebbiň öňünde ant içip, şeýle diýdi: «Eger
Sen ammonlylary meniň elime berseň,
31 onda men ammonlylary ýeňip, yzyma
dolanyp gelenimde derwezämden ilkinji
çykan Seniňkidir. Men şony Rebbe ýak-
ma gurbanlyk edip berjekdirin». 32 Ýeftah
derýadan geçip, ammonlylar bilen uruş-
maga gitdi. Reb olary Ýeftahyň eline
berdi. 33 Ysraýyllar Arogerden Minnite
çenli olaryň ýigrimi galasyny hem-de
Abelkeramyma çenli aralygy gyrgyna
berip, uly ýeňiş gazandylar. Şeýdip,
ammonlylar ysraýyllara boýun egdiler.

### *Ýeftah we onuň gyzy*

34 Ýeftah Mispadaky öýüne gelende,
onuň öz gyzy eli deprekli tans edip, öňün-
den çykdy; onuň ýeke gyzy bardy, başga
ogly-da, gyzy-da ýokdy. 35 Ol gyzyny gö-
rende, ýakasyny ýyrtyp: «Wah, gyzym,
sen meniň bagtymy garaltdyň! Indi sen
hem meni ynjalykdan gaçyrdyň! Çün-
ki men Rebbiň öňünde öz agzym bilen
kasam etdim, indi nädip ondan boýun
gaçyraýyn» diýdi. 36 Gyz kakasyna: «Ka-
ka, sen Rebbiň öňünde öz agzyň bilen
näme kasam eden bolsaň, ýerine ýetiriber,
çünki Reb seni Ammon duşmanlaryňdan
üstün çykardy» diýdi. 37 Ol ýene kakasyna:
«Maňa iki aý möhlet ber. Men daga gidip,
joralarym bilen gezim edeýin we durmuşa
çykmakdan mahrum bolandygymyň agy-
syny aglaýyn» diýdi. 38 Kakasy: «Bolýar,
gidäý» diýip, ony iki aýlap goýberdi. Ol öz
joralary bilen gitdi-de, dagda boý gyzly-
gyna öljegine iki aýlap ýas tutdy. 39 Iki aý
geçensoň, ol kakasynyň ýanyna dolanyp
geldi. Kakasy gyzy barada eden kasamy-
ny ýerine ýetirdi, ol boý gyzlygyna öldi.
Şondan soň ysraýyl gyzlarynyň arasynda
40 gilgatly Ýeftahyň gyzynyň ýasyny tut-
mak üçin, her ýylda dört gün daga gitmek
däbi peýda boldy.

## 12-nji bap

### *Ýeftah efraýymlar bilen uruşýar*

1 Efraýymlar uruşmak üçin bir ýere
ýygnandylar we Iordan derýasyndan ge-
çip, Safona geldiler. Olar Ýeftaha: «Sen
näme üçin ammonlylar bilen uruşmaga
gideniňde bizi çagyryp, özüň bilen alyp
gitmediň? Biz seniň özüň bilen bile-
likde öýüňi otlarys» diýdiler. 2 Ýeftah

olara şeýle diýdi: «Meniň we meniň
adamlarymyň ammonlylar bilen bir
uly dawamyz bardy. Men sizi kömege
çagyrdym, emma siz gelip, meni olaryň
elinden gutarmadyňyz. 3 Siziň meni halas
etmejegiňize gözüm ýetende, men jany-
my howp astynda goýup, ammonlylaryň
üstüne gitdim. Reb olary meniň eli-
me berdi. Indi näme bu gün siz meniň
bilen uruşmaga geldiňizmi?» 4 Ýeftah
Gilgadyň ähli erkeklerini çagyrdy-da,
efraýymlar bilen uruşdy. Gilgatlylar ef-
raýymlary gyrdylar, sebäbi efraýymlar
olara: «Eý, efraýym we manaşa halk-
larynyň arasynda ýaşaýan gilgatlylar!
Siz Efraýymdan gaçan dönüklersiňiz!»
diýipdiler. 5 Gilgatlylar efraýymlaryň
elinden Iordan derýasynyň güzerini
aldylar. Diri galan efraýymlardan biri:
«Iordan derýasyndan geçmäge rugsat
edäýiň» diýse, Gilgadyň adamlary: «Sen
efraýymly dälmi?» diýip sorardylar. Eger
ol «Ýok» diýip jogap berse, 6 olar oňa:
«Hany, „şibbolet“ diýip aýt» diýerdiler.
Şonda ol «sibbolet» diýäýse, onda ony
Iordan derýasynyň güzerinde öldürerdi-
ler. Çünki efraýymlar «ş» sesini aýdyp
bilmeýändikleri üçin, oňa derek «s» se-
sini aýdýardylar. Şeýdip, gilgatlylaryň
elinden kyrk iki müň efraýymly öldi.

7 Ýeftah Ysraýylda alty ýyllap serdar
boldy. Ol aradan çykanda, ony öz Gilgat
galasynda jaýladylar.

### *Ybsan, Elon we Abdon*

8 Ýeftah aradan çykandan soň, beýtul-
lahamly Ybsan Ysraýylda serdar boldy.
9 Onuň otuz ogly we otuz gyzy bolup,
gyzlaryny başga tirelere durmuşa çy-
karyp, ogullaryny-da başga tirelerden
öýerdi. Ol ýedi ýyl Ysraýylyň serdary
boldy. 10 Ybsan aradan çykanda, ony
Beýtullahamda jaýladylar.

11 Ondan soň zebulunly Elon Ysraýyla
serdar bolup, ony on ýyllap dolandyrdy.
12 Elon aradan çykanda, ony Zebulunda-
ky Aýalonda jaýladylar.

13 Ondan soň pirgatonly Hilleliň ogly
Abdon Ysraýyla serdar boldy. 14 Onuň
kyrk ogly we otuz agtygy bolup, ola-
ryň hersi bir eşek mündi. Ol Ysraýyla
sekiz ýyllap serdar boldy. 15 Hilleliň ogly
Abdon aradan çykanda, ony Efraýym-
daky amalekleriň ýaşaýan daglygynda,
Pirgaton diýen ýerde jaýladylar.

## 13-nji bap

### *Şimşon serdaryň dogulmagy*

1 Ysraýyllar ýene-de Rebbiň ýigrenýän
işlerini etdiler. Şol sebäpli Reb kyrk ýyl-
lap ysraýyllary piliştlileriň eline berdi.

2 Şol döwürde Sorgada dan tiresinden
Manowa diýen bir adam bardy; onuň aýa-
ly önelgesizdi. 3 Rebbiň perişdesi onuň
aýalynyň ýanyna gelip: «Sen önelgesiz
bolsaň-da, göwreli bolarsyň we bir ogul
dograrsyň. 4 Sen özüňi aýap sakla, şerap,
çakyrdan içme, haram zatlardan iýme.
5 Çünki sen göwreli bolarsyň we ogul
dograrsyň; onuň kellesine päki degmeli
däldir, sebäbi enesiniň göwresinde galan
gününden başlap, ol çaga Hudaýa nazyr[a]
bolar, ol Ysraýyly piliştlileriň elinden ha-
las eder» diýdi. 6 Aýaly adamsynyň ýanyna
gelip, şeýle diýdi: «Meniň ýanyma Huda-
ýyň adamy geldi, onuň daş keşbi Hudaýyň
perişdesiniňki ýaly, haýbatly, gorkunçdy.
Men onuň nireden gelenini soramadym,
ol maňa öz adyny hem aýtmady. 7 Ol maňa:

[a] **13:5** *Nazyr* – özüni Hudaýa bagyşlan adamlaryň saçyna päki degirmezlik nyşany. Söz-
lüge seret.

„Sen göwreli bolarsyň, ogul dograrsyň, şe-
rap, çakyrdan içme, haram zatlardan iýme,
çünki göwrede galan gününden başlap, ol
Hudaýa nazyr bolar“ diýip aýtdy».
8 Manowa Rebbe ýüzlenip: «Ýa Reb!
Goý, bize iberilen Hudaýyň adamy ýa-
nymyza ýene-de gelsin hem-de bizden
doguljak çaga näme etmelidigimizi
öwretsin» diýip ýalbardy. 9 Hudaý Mano-
wanyň sesini eşitdi we Manowanyň aýaly
meýdandaka, Hudaýyň perişdesi onuň
ýanyna geldi. Emma aýalyň adamsy ýa-
nynda ýokdy. 10 Aýaly şol wagt ylgap gidip:
«Meniň ýanyma öňki gelip giden adam
geldi» diýip, adamsyna habar berdi. 11 Ma-
nowa aýaly bilen ol adamyň ýanyna bardy
we ondan: «Meniň aýalym bilen gepleşen
senmi?» diýip sorady. Perişde: «Men!»
diýip jogap berdi. 12 Manowa oňa: «Seniň
aýdanlaryň amala aşanda, biz ol çaga nä-
hili garamaly we oňa näme etmeli?» diýip
sorady. 13 Rebbiň perişdesi Manowa: «Goý,
seniň aýalyň meniň aýdanlarymy etsin.
14 Ol üzümden öndürilen zatlary iýmesin;
şerap, çakyr datmasyn, haram zatlardan
asla iýmesin. Aýalyň meniň buýranlary-
myň ählisini berjaý etmelidir» diýdi.
15 Manowa Rebbiň perişdesine: «Seniň
üçin bir owlagy taýýarlaýançak, seni
ýoluňdan saklamaga rugsat et» diýdi.
16 Rebbiň perişdesi Manowa: «Sen me-
ni saklasaň-de, men seniň naharyňy
iýmerin, emma sen ýakma gurbanlyk
taýýarlamak isleseň, onda ony Rebbe
hödür et» diýdi. (Manowa bu adamyň
Rebbiň perişdesidigini bilmeýärdi.)
17 Manowa Rebbiň perişdesine: «Aýdan-
laryň hakykat bolanda, biz seni alkyşlar
ýaly, öz adyňy aýt» diýdi. 18 Rebbiň
perişdesi oňa: «Meniň adymy näme
soraýarsyň? Ol örän täsindir!» diýdi.
19 Manowa owlak bilen galla sada-
kasyny daşyň üstüne getirip, täsin
gudratlar edýän Rebbe berdi. 20 Gurban-
lyk sypasynyň üstünden ýalyn asmana
galyp ugranda, Rebbiň perişdesi ýalyn
bilen bile ýokary göterildi. Muny gören
Manowa bilen onuň aýaly ýere ýüzin
ýykyldylar. 21 Rebbiň perişdesi Mano-
wa bilen aýalyna şondan soň gaýdyp
hiç görünmedi. Manowa onuň Reb-
biň perişdesidigini şonda bilip galdy.
22 Manowa öz aýalyna: «Dogrudan hem,
biz hökman öleris, çünki biz Hudaýy
gördük» diýdi. 23 Aýaly oňa: «Eger Reb
bizi öldürmek islän bolsa, biziň elimiz-
den ýakma gurbanlygymyzy we galla
sadakamyzy kabul etmezdi, bize şol
täsinlikleri görkezmezdi, bu zatlary
bize mälim etmezdi» diýdi.
24 Aýaly ogul dogurdy we oňa Şimşon
diýen at goýdy. Çaga ösüp kemala geldi,
Reb oňa ak pata berdi. 25 Sorga bilen
Eştawolyň aralygyndaky Mahanadanda
bolanda Şimşony Rebbiň Ruhy galkyn-
dyryp başlady.

## 14-nji bap

### *Şimşon öýlenýär*

1 Günlerde bir gün Şimşon Timna gi-
dende, piliştli bir gyzy gördi. 2 Ol baryp,
öz ejesine we kakasyna: «Men Timnada
piliştli gyzlardan birini gördüm. Şony
maňa alyp beriň» diýdi. 3 Emma ejesi
bilen kakasy oňa: «Näme üçin sen sünnet-
siz piliştli halkdan gyz aljak bolýarsyň?
Näme özli-özüňde, tutuş ilimizde sen öý-
lener ýaly gyz ýokmy?» diýdiler. Şimşon
kakasyna: «Maňa şony alyp ber, sebäbi
ol meniň göwnüme ýarady» diýdi. 4 Bu
işiň Reb tarapyndan bolýandygyny, pi-
liştlileriň garşysyna çykmak üçin, Onuň
amatly pursady gözleýändigini Şimşo-
nyň ejesi bilen kakasy bilmeýärdi. Şol
wagtlar ysraýyllaryň üstünden piliştliler

hököm sürýärdi. 5 Şimşon, onuň ejesi we
kakasy Timna tarap ugradylar. Olar Tim-
nadaky üzümçilikden geçip barýarkalar,
Şimşon bir ýaş ýolbarsyň arlaýan sesini
eşitdi. 6 Şimşona uly güýç bilen Rebbiň
Ruhy indi, ol ýolbarsy edil bir owlajygy
bölekleýän ýaly edip, düýt-müýt etdi;
onuň elinde hiç zat ýokdy. Ol bu eden
işini ejesine-kakasyna aýtmady. 7 Baryp,
ol gyz bilen gepleşdi; ol Şimşonyň göw-
nüne ýarady.

8 Birnäçe günden soň Şimşon ol gyza
öýlenmek üçin gideninde, ol şol ýolbar-
syň maslygyny görmek üçin sowuldy.
Seretse, ýolbarsyň maslygynda bal ary-
laryň öýjügi hem-de bal bar eken. 9 Ol
baldan goşawujyny dolduryp, ýolboýy
ýalap iýip gitdi, ejesiniň we kakasynyň
ýanyna gelende olara-da berdi. Olar hem
iýdiler, emma baly ýolbarsyň maslygyn-
dan alandygyny Şimşon olara aýtmady.

10 Şimşonyň kakasy gyzyňka geldi,
Şimşon şol ýerde, adatça, öýlenýän ýi-
gitleriň edişi ýaly ýedi günläp toý tutdy.
11 Toý başlananda, onuň ýanynda bile
bolar ýaly, oňa otuz sany dost saýla-
dylar. 12 Şimşon olara: «Men size bir
matal aýtjak; eger siz ony maňa toýuň
ýedi gününiň dowamynda dogry çözüp
berseňiz, onda men size otuz sany nepis
don hem-de otuz laý köýnek bererin.
13 Eger-de çözüp bilmeseňiz, onda siz
maňa otuz sany nepis don we otuz laý
köýnek berersiňiz» diýdi. Olar Şimşona:
«Matalyňy aýt, eşideli» diýdiler. 14 Şim-
şon olara matalyny aýtdy:

«Iýegenden iýmit çykdy,
güýçlüden süýjülik çykdy».

Mataly üç günläp çözüp bilmediler.

15 Dördünji gün [a] diýlende, olar Şim-
şonyň aýalyna: «Adamyňy yr, ol bize
mataly çözüp bersin; ýogsam, özüňi-
-de, kakaňyň öýüni-de otlarys, siz bizi
iň soňky zadymyza çenli talap, gedaý
goýmak üçin çagyrypmydyňyz?» diý-
diler. 16 Şimşonyň aýaly adamsynyň
ýanynda aglap: «Sen meni ýigrenýärsiň,
meni söýmeýärsiň, meniň ilimiň ýigit-
lerine matal aýtdyň, maňa ony çözüp
bereňok» diýdi. Şimşon oňa: «Öz ejeme,
kakama çözüp beripdirinmi, saňa çözüp
berer ýaly» diýdi. 17 Onuň aýaly toýuň
bütin dowamynda, ýedi günläp aglady.
Aýaly özelenip duransoň, ahyrsoňunda,
ýedinji gün diýende Şimşon oňa mata-
lyň çözgüdini aýtdy. Şimşonyň aýaly
öz iliniň ýigitlerine matalyň çözgüdini
aýdyp berdi. 18 Ýedinji gün diýlende,
Gün batmazdan öň, ýigitler Şimşonyň
ýanyna gelip:

«Baldan süýji,
ýolbarsdan güýçli näme bar?»

diýdiler.

Şimşon olara: «Siz meniň göläm arkaly
ýer sürmedik bolsaňyz, mataly çözüp bil-
mezdiňiz» diýdi. 19 Rebbiň Ruhy oňa indi,
ol Aşkelona gidip, ol ýerde otuz adamy
öldürdi. Olaryň eşigini sypyryp aldy-da,
mataly çözenlere bir laý köýnek getirip
berdi. Onsoň ol gazaba münüp, öz kaka-
synyň öýüne gaýtdy. 20 Şimşonyň aýalyny
bolsa, ol öýlenende, oňa iň ýakyn dost
bolup oturana durmuşa çykardylar.

## 15-nji bap

### *Şimşon piliştlilerden ar alýar*

1 Birnäçe günden soň, bugdaý döwegi
wagtynda Şimşon bir owlak alyp, aýa-
lyny görmäge geldi. Şimşon ýatylýan
otaga öz aýalynyň ýanyna girjekdigi-
ni aýdanda, aýalynyň kakasy oňa ýol

[a] **14:15** ***Dördünji gün*** – bu jümle käbir golýazmalarda *ýedinji gün* diýip duş gelýär.

bermedi. 2 Aýalynyň kakasy oňa: «Sen
öz aýalyňdan ýüz öwrensiň öýdüp, men
ony toý wagtynda saňa iň ýakyn dost
bolana äre berdim. Ine, onuň kiçi gyz
jigisi ondan hem owadan dälmi? Aýa-
lyňyň deregine, belki, şuny alarsyň?»
diýdi. 3 Şimşon olara: «Indi piliştlilere
ýamanlyk etsem, meniňki hak bolar»
diýdi. 4 Şimşon üç ýüz sany tilkini tutup,
guýruklaryny jübüt-jübütden biri-birine
daňdy. Soňra çyralary aldy-da, olary her
iki tilkiniň guýrugynyň arasyna berkit-
di. 5 Ol çyralary otlap, piliştlileriň bişen
bugdaýlarynyň arasyna goýberdi-de,
olaryň orulmadyk bugdaýlaryny we
küdelenen bugdaýlaryny, üzümlerini
hem zeýtun agaçlaryny otlady.

6 Piliştliler: «Muny kim beýle etdikä?
Bu timnalynyň giýewsi Şimşonyň işidir,
sebäbi onuň gaýynatasy Şimşonyň aýa-
lyny toý wagtynda Şimşona dost bolana
alyp berdi» diýdiler. Şonuň üçin piliştli-
ler ol aýaly we onuň kakasyny otladylar.
7 Şimşon olara: «Siz şeýle etseňiz-de,
men sizden arymy alýançam ynjalma-
ryn» diýdi. 8 Şimşon olaryň üstüne gazap
bilen topuldy-da, olaryň injiklerini we
uýluklaryny döwüşdirdi. Şondan soň,
ol Eýtam gaýasyndaky gowaga gitdi.

9 Piliştliler Ýahudada düşelge gurdular
we tä Lehä çenli ýaýradylar. 10 Ýahuda-
nyň ilaty olardan: «Siz näme üçin biziň
garşymyza çykdyňyz?» diýip soranla-
rynda, olar: «Şimşon bize näme eden
bolsa, biz hem oňa şeýle etmek niýeti bi-
len ony tutup äkitmäge geldik» diýdiler.
11 Üç müň sany ýahudaly çykyp, Eýtam
gaýasyndaky gowaga tarap gitdiler we
baryp Şimşona: «Biziň üstümizden pi-
liştlileriň höküm sürýändiklerini sen
bileňokmy näme? Sen bizi näme üçin
beýtdiň?» diýdiler. Şimşon: «Olar maňa
näme eden bolsalar, men hem olara şony
etdim» diýdi. 12 Olar: «Biz seni daňyp,
piliştlileriň eline bermek üçin geldik»
diýenlerinde, Şimşon olara: «Meni öl-
dürmejegiňize ant içiň» diýdi. 13 Olar:
«Ýok, öldürmeris, biz seni diňe daňarys-
-da, piliştlileriň eline bereris» diýdiler.
Ony iki sany täze tanap bilen daňdy-
lar-da, gowakdan çykaryp alyp gitdiler.

14 Olar Lehä ýetenlerinde, piliştliler ony
uly gykylyk bilen garşyladylar. Şonda
Rebbiň Ruhy güýç bilen Şimşona inip,
oňa ägirt uly güýç berdi welin, onuň
ellerini daňmak üçin ulanylan tanaplar
edil otda ýanan zygyr ýaly boldy. Onuň
ellerindäki tanaplar çözülip gitdi. 15 Ol
ýaňy ölen eşegiň guramadyk äňini tapyp,
eline aldy-da, onuň bilen urup, müň ada-
my öldürdi. 16 Şimşon şonda şeýle diýdi:

«Bir eşek äňi bilen
iki topar ýygyny ýatyrdym.
Bir eşek äňi bilen
müň adamy öldürdim».

17 Şu sözleri aýdyp, elindäki äňi taşlady
we ol ýere Ramatlehi [a] diýip at dakdy.

18 Ol özüniň örän suwsaýandygyny
duýdy we Rebbe ýüzlenip: «Sen Öz
guluňa beýik ýeňiş berdiň; indi bol-
sa men suwsuzlykdan ölüp, sünnetsiz
piliştlileriň eline düşmelimi?» diýdi.
19 Hudaý Lehide bir çukurjygy emele
getirdi, ondan suw çykdy. Ol suwdan
içip gandy, güýji yzyna gaýdyp geldi
we ol kuwwatlandy. Şu günlere çenli
Lehidäki şol ýere Eýnhakor [b] diýilýär.

20 Ysraýylda piliştlileriň agalyk süren
döwründe, Şimşon ýigrimi ýyllap ysra-
ýyllara serdar boldy.

---

[a] **15:17** ***Ramatlehi*** – bu söz *eşek äňi* diýmegi aňladýar.
[b] **15:19** ***Eýnhakor*** – bu söz *Ony çagyranyň çeşmesi* diýmegi aňladýar.

## 16-njy bap

### *Şimşon Gazada*

1 Günlerde bir gün Şimşon Gaza gelen-
de bir loly aýala sataşyp, şonuň bilen gitdi.
2 Gazanyň ilaty: «Şimşon bärik gelipdir»
diýşip, töwerekde gaýmalaşdy. Olar: «Ja-
han ýagtylýança garaşarys, ony öldüreris»
diýip, uzynly gije galanyň derwezesini
garawulladylar. 3 Şimşon ýarygijä çenli
ýatdy, gijäniň ýarynda turdy-da, baryp,
gala derwezesiniň gapylarynyň iki söýe-
sini kiltleri bilen bilelikde goparyp, ony
omzuna alyp, Hebronyň garşysyndaky
dagyň depesine eltip goýdy.

### *Şimşon we Delila*

4 Şondan soň Şimşon Sorek jülgesinde
ýaşaýan bir aýala aşyk boldy. Onuň ady
Delilady. 5 Piliştli hanlar ol aýalyň ýanyna
gelip: «Biz ony daňyp, özümize boýun eg-
dirip biler ýaly, sen ugruny tap-da, onuň
beýik güýjüniň nämededigini özüne aýt-
dyr. Şeýtseň, biziň herimiz saňa bir müň
bir ýüz kümüş teňňe bereris» diýdiler.
6 Delila Şimşondan: «Sen maňa aýtsa-
na, beýle beýik güýji nireden alýarsyň?
Seni näme bilen daňsaň, boýun egdi-
rip bolar?» diýip sorady. 7 Şimşon oňa:
«Eger-de meni entek guramadyk ýedi sa-
ny ýaý kirşi bilen daňsalar, men güýçden
gaçyp, beýleki adamlar ýaly bolaryn»
diýdi. 8 Piliştli hanlar ol aýala entek gu-
ramadyk täzeje ýedi sany ýaý kirşini
getirip berdiler. Ol şonuň bilen Şimşony
daňdy. 9 Şol wagt piliştlilerden birnäçe
adamlar şol otagda bukulyp otyrdylar.
Aýal Şimşona: «Şimşon! Seniň üstüňe
piliştliler gelýärler» diýdi. Şimşon ýaý
kirişlerini edil ot degen ýüplügiň ýolnuşy
ýaly edip, üzüp taşlady. Onuň güýjüniň
nämededigi bilinmän galdy.
10 Delila Şimşona: «Sen meni samsyk
hasap edýärsiň, ýalan sözleýärsiň. Indi
beri aýdaý, seni näme bilen daňyp bo-
lar?» diýdi. 11 Şimşon oňa: «Eger-de meni
öň ulanylmadyk täze ýüp bilen daňsalar,
men güýçden gaçaryn, beýleki adamlar
ýaly bolaryn» diýdi. 12 Delila täze ýüp
alyp, ony daňdy-da, oňa: «Şimşon! Se-
niň üstüňe piliştliler gelýärler» diýdi.
Şol wagt piliştlilerden birnäçe adam
şol otagda bukulyp otyrdylar. Şimşon
ony-da ot degen ýüplügiň ýolnuşy ýaly
edip, üzüp taşlady.
13 Delila Şimşona ýene: «Sen meni
samsyk hasap edýärsiň, ýalan sözle-
ýärsiň. Aýtsana, seni näme bilen daňyp
bolar?» diýdi. Ol: «Meniň saçymyň ýedi
örümini gaty örersiň-de, ony dokma
dokalýan gurala berk çekdirip daňar-
syň. Şonda men güýçden gaçyp, beýleki
adamlar ýaly bolaryn» diýdi. 14 Delila
Şimşony öz dyzynyň üstünde uklatdy.
Ol uklanda, onuň saçynyň ýedi örümini
aldy-da, olary pugta örüp, dokma do-
kalýan guralda çekdirip berkitdi hem-de
oňa: «Seniň üstüňe piliştliler gelýärler,
Şimşon!» diýdi. Ol ukudan oýandy-da,
dokma dokalýan guraly ondaky mata
bilen bilelikde goparyp taşlady. Onuň
güýjüniň nämededigi ýene bilinmän
galdy.
15 Delila oňa: «Seniň ýüregiň meniň
bilen däl eken. Nädip sen maňa: „Men
seni söýýärin“ diýip bilýärsiň? Üç gezek
sen meni samsyk hasap etdiň, güýjüňiň
nämededigini maňa aýtmadyň» diýdi.
16 Delila her gün sorap, Şimşonyň ýüre-
gine düşdi. Ol ony halys irizip, janyndan
bizar etdi. 17 Şimşon ahyrsoňunda oňa
öz ýüregini açdy: «Men entek ejemiň
göwresindekäm Hudaýa nazyr bolan-
dygym üçin, meniň kelläme heniz päki
degen däldir. Eger meniň saçym syrylsa,

güýjüm menden gider; meniň güýjüm ga-
çyp, beýleki adamlar ýaly bolaryn» diýdi.
18 Şeýdip, ol ähli syryny Delila açdy.
Şundan soň, Delila: «Indi geliberiň, ol
maňa öz ýüregini açdy» diýip aýtmaga
piliştli hanlara habarçy iberdi. Piliştli
hanlar elleri kümüş pully geldiler. 19 De-
lila Şimşony öz dyzynyň üstünde uklatdy.
Onuň saçynyň ýedi örümini syrdyrmak
üçin adam çagyrdy-da, oňa syrmagy
buýurdy. Şimşon ejizlenip başlady, onuň
güýji gaçdy. 20 Delila: «Seniň üstüňe pi-
liştliler gelýärler, Şimşon!» diýende, ol
oýanyp, öňki gezekdäki ýaly öz-özüni
boşatmakçy boldy. Emma ol Rebbiň in-
di özünden ýüz öwrendigini bilmeýärdi.
21 Piliştliler ony tutup, gözlerini oýdular.
Gaza getirip, iki sany bürünç zynjyr bilen
gandalladylar. Oňa zyndanda degirmen
üwetdiler. 22 Şol aralykda onuň kellesiniň
syrylan ýerlerine saç çykyp başlady.

### *Şimşonyň ölümi*

23 Pilişt hanlary özleriniň hudaýy
Dagona juda köp gurbanlyklar berip, şady-
-horramlyk etmek üçin ýygnandylar. Olar:
«Duşmanymyz Şimşony hudaýymyz biziň
elimize berdi» diýişdiler. 24 Halk Şimşony
görende: «Köpimizi öldürip, ýerlerimizi
tozduran duşmanymyzy hudaýymyz biziň
elimize berdi» diýşip, öz hudaýlaryny
alkyşlamaga başladylar. 25 Mes bolan
jemagat: «Şimşony getiriň, goý, ol biziň
göwnümizi açsyn» diýip gygyryşdy. Şim-
şony zyndandan getirip, onuň üstünden
gülüp başladylar, masgaraladylar, soňra
ony sütünleriň aralygynda duruzdylar.
26 Şimşon elinden tutup, özüni idip ýö-
ren ýigdekçä: «Meni şu jaýy saklaýan
sütünleriň ýanyna elt, şolara söýeneýin»
diýdi. Ýigdekçe şeýle hem etdi. 27 Jaýyň
içi aýal-erkeklerden doludy; pilişt han-
lary hem şol ýerdedi. Jaýyň üstünde-de
üç müňe golaý aýal-erkek bardy. Olaryň
bary Şimşona tomaşa edýärdiler.
28 Şimşon Rebbi çagyrdy-da: «Eý, Hök-
mürowan Reb, meni ýadyňa sal. Eý,
Hudaý! Maňa ýene bir gezejik kuwwat
ber, iki gözüm üçin, piliştliler bilen bir
gezekde hasaplaşaýyn» diýdi. 29 Şimşon
jaýy saklaýan sütünleriň birine sag elini,
beýlekisine çep elini diräp, olary ýerin-
den süýşürdi. 30 Şimşon: «Goý, piliştliler
bilen bile öleýin» diýip, bar güýji bilen
sütünleri itende, jaý hanlaryň, jaýdaky
ähli adamlaryň üstüne ýykyldy; Şim-
şonyň özi ölen wagty öldürenleri onuň
bütin ömründe öldürenlerinden has köp
boldy. 31 Onuň doganlary, kakasynyň tu-
tuş maşgalasy gelip, Şimşonyň jesedini
äkitdiler we ony getirip, Sorga bilen Eş-
tawolyň aralygynda, kakasy Manowanyň
gubry goýlan gümmezde jaýladylar. Ol
ysraýyllara ýigrimi ýyllap serdar boldy.

## 17-nji bap

### *Mikanyň butlary*

1 Efraýym daglygynda Mika diýen bir
adam bardy. 2 Ol öz ejesine: «Sen bir müň
bir ýüz sany kümüş teňňäni ogurlatdyň,
ony alana meniň ýanymda gargyş etdiň,
seniň şol kümüşleriň mende, olary men
aldym. Emma men olary häzir saňa gaý-
taryp berýän» diýdi. Ejesi: «Reb seni
ýalkasyn, oglum!» diýdi. 3 Ol bir müň bir
ýüz sany kümüş teňňäni ejesine gaýtaryp
berdi. Ejesi oňa: «Oglum, men seniň üçin
bu kümüşlerden oýma hem-de guýma but
ýasatmakçy bolup, öz elim bilen Rebbe
niýetledim, olary saňa berýärin» diýdi.
4 Ogly olary ejesine gaýtaryp berende,
ejesi iki ýüz sany kümüş teňňäni aldy-da,
kümüş ussasyna berip, şol kümüşlerden
oýma hem-de guýma but ýasatdyrdy; olar
Mikanyň öýünde durdy. 5 Mika tarapyn-

dan salnan bir sany ybadat edilýän öý
bardy. Ol efot we butlar ýasady hem-de
öz ogullarynyň birini ruhany edip belle-
di. [6]Şol döwürde ysraýyllaryň patyşasy
ýokdy. Her kim öz islänini edýärdi.
[7]Ýahudanyň Beýtullaham galasynda
bir ýigit ýaşaýardy. Ol lewi tiresinden-
di. [8]Ol ýaşamaga amatly bir ýer tapmak
üçin Ýahudanyň Beýtullaham galasyndan
çykyp gitdi. Ol Efraýym daglygynda ýa-
şaýan Mikanyň öýüne geldi. [9]Mika ondan:
«Nireden gelýärsiň?» diýip soranda, ol:
«Ýahudanyň Beýtullaham galasyndan
gelýärin, özüm hem lewilerdendirin; ýa-
şar ýaly ýer gözleýärin» diýdi. [10]Mika oňa:
«Meniň öýümde galyber. Meniň geňeşçim
hem ruhanym bolarsyň. Men seniň garny-
ňy doýraýyn, ýylda bir laý geýim-gejim
hem-de on sany kümüş teňňe bereýin»
diýdi. [11]Lewi ýigit Mikanyň öýünde gal-
maga razylyk berdi. Mika oňa öz ogly ýaly
seretdi. [12]Mika lewi ýigidini ruhanyçyly-
ga belledi, şeýdip, bu ýaş ýigit Mikanyň
öýünde ýaşaberdi. [13]Mika: «Indi Rebbiň
maňa ýagşylyk etjekdigini bilýärin, sebäbi
lewi ýigidi meniň ruhanym boldy» diýdi.

## 18-nji bap

### *Lewi ýigidi we dan tiresi*

[1]Şol döwürde ysraýyllaryň patyşasy
ýokdy. Danlar özlerine ýaşar ýaly ýer
gözleýärdiler, sebäbi şol wagta çenli
ysraýyllaryň tireleriniň arasynda olaryň
mülk paýy heniz paýlanmandy. [2]Danlar
öz urugyndan, Sorga hem Eştawol gala-
laryndan bäş sany daýaw erkek adamy
ýer gözlemek hem-de maglumat topla-
mak üçin gizlinlikde ugratdylar.
Olara: «Baryň, assyrynlyk bilen
ýer gözläň» diýdiler. Olar Efraýym
daglygyna, Mikanyň öýüne gelip ýetdiler
we gijäni şol ýerde geçirdiler. [3]Mikanyň
öýünde bolanda, olar lewi ýigidini onuň
sesinden tanadylar-da, içerik girdiler we
ondan: «Seni bu ýere kim getirdi? Bu
ýerde sen näme işleýärsiň? Näme sebäp-
den sen bu ýerde?» diýip soradylar. [4]Bu
ýigit olara Mikanyň özüne edenlerini
aýtdy. «Men hakyna işe durdum, men
onuň ruhanysy» diýdi. [5]Olar ruhana:
«Sen Hudaýdan sorap, bize bilip ber, biz
özümiziň ýolumyzyň şowly boljagy-
na-bolmajagyna göz ýetireli» diýdiler.
[6]Ruhany olara: «Arkaýyn gidiberiň,
siziň ýoluňyz Rebbiň nazarynda» diýdi.
[7]Bu bäş adam ol ýerden gaýdyp, Laýy-
şa geldi. Onuň ilatynyň sidonlylar ýaly
parahat we asuda ýaşaýandygyny, olary
sidonlaryň dolandyrýandygyny gör-
düler. Olaryň hemme zady bardy. Olar
asuda we aladasyz ýaşaýardylar. Olar
sidonlardan uzakda ýaşaýardylar we hiç
kim bilen aragatnaşyk saklamaýardylar.
[8]Soňra olar Sorga hem-de Eştawola öz
tiredeşleriniň ýanyna gaýdyp geldiler;
tiredeşleri olardan: «Gurtmy, tilki?» di-
ýip soradylar. [9]Olar: «Biz bir ýer gördük,
topragy juda gowy. Siz näme beýle pikire
batdyňyz, ikirjiňlenmäň-de, baryp, ol
ýeri eýeläň. [10]Siz ol ýerde hiç bir alada-
sy bolmadyk halky görersiňiz. Olaryň
ýeri-de örän giň. Hudaý olary siziň eli-
ňize berendir. Ol ýerde asyl ýetmezçilik
edýän zat ýok» diýdiler.
[11]Danlardan bolan alty ýüz sany erkek
adam ýaraglaryny dakynyp, Sorgadan
we Eştawoldan çykyp ugradylar. [12]Olar
baryp, Ýahudadaky Kirýatýegarymda
düşelge gurdular. Şoňa görä ol ýer henize
çenli Mahanadan[a] diýlip atlandyryl-
ýar, bu Kirýatýegarymyň günbatarydyr.

[a] **18:12** ***Mahanadan*** – bu söz *Danyň düşelgesi* diýmegi aňladýar.

13 Olar bu ýerden efraýymlaryň ýaşaýan
daglygyna tarap gitdiler we Mikanyň
öýüniň ýanyna geldiler.
14 Laýyşy gözden geçirmäge öň gelip
giden bäş adam öz doganlaryna: «Şu
öýleriň birinde efot, oýma hem guýma
but we başga butlar bar, siz şony bilýärsi-
ňizmi? Indi näme etmelidigiňizi özüňiz
biliň» diýdiler. 15 Bular ol ýere bardylar.
Mikanyň topar bolup duran öýleriniň
birinde bolýan lewi ýigidiniňkä girdiler,
onuň bilen salamlaşdylar. 16 Ýaraglaryny
dakynan alty ýüz sany dan adamlary
derwezäniň agzynda durdular. 17 Ýer
görmäge öňki gelen bäş adam öýe girip,
efody, oýma hem guýma buty we başga
butlary aldylar. Ruhany derwezäniň
agzynda ýaraglaryny dakynan alty ýüz
adamyň ýanynda durdy. 18 Mikanyň öýü-
ne girip, efody, oýma hem guýma buty
we başga butlary alanlarynda, ruhany
olara: «Näme edýärsiňiz?» diýdi. 19 Olar
ruhana: «Sem bol! Ýör biziň bilen git,
bize ýaşululyk hem ruhanylyk edersiň.
Diňe bir adama ruhanylyk etmek gowu-
my ýa-da Ysraýylyň tutuş bir tiresi bilen
urugyna?» diýdiler. 20 Ruhany begenip,
efody, oýma hem guýma buty we başga
butlary alyp, ýaňky gelen adamlar bi-
len gitdi. 21 Olar çagalary, mallary, ähli
goşlary öňden goýberip, ýola düşdüler.
22 Olar Mikanyň öýünden uzaklaşyp
başlanda, Mika danlar bilen söweşmä-
ge goňşularyny çagyrdy. Olar danlaryň
yzyndan kowaladylar, 23 olaryň yzyndan
gygyrdylar. Danlar Mika tarap öwrülip:
«Saňa näme gerek? Ýa urşasyň gelýär-
mi?» diýdiler. 24 Mika olara: «Siz meniň
ýasadan hudaýlarym bilen ruhanymy
alyp gitdiňiz. Hany indi maňa näme
galdy? Ýene-de: „Näme gerek?“ diýip
soraýarsyňyz» diýdi. 25 Danlar oňa:
«Sem bol, ýogsam, biziň gaharymyzy
getirersiň, onsoň özüňiň-de, tutuş maş-
galaňyň-da janyny jähenneme ibereris»
diýdiler. 26 Danlar öz ýollary bilen gi-
diberdiler, Mika bolsa olaryň özünden
güýçlüdiklerini görüp, yzyna dolandy
we öýüne gaýdyp geldi.
27 Danlar Mikanyň ýasan sežde edilýän
zatlaryny hem-de onuň öýünde ýaşan
ruhanyny alyp, Laýyşa tarap gitdiler. Ol
ýere baryp parahat we aladasyz ýaşaýan
halky gylyçdan geçirip, galany otladylar.
28 Ol ýerdäkilere kömek eden tapylmady,
sebäbi olar Sidondan uzakdady, hiç kim
bilen aragatnaşyk saklamaýardylar. Ol
gala Beýtrehobyň golaýynda ýerleşýärdi,
danlar galany täzeden gurdular-da, ol
ýerde ýaşap başladylar. 29 Olar Ýakubyň
ogly Danyň hatyrasyna ol gala Dan diýen
at berdiler; galanyň öňki ady Laýyşdy.
30 Danlar sežde edilýän buty oturtdylar.
Musanyň agtygy[a] Gerşomyň ogly bolan
Ýonatanyň özi we onuň ogullary tä ýurt
ýesirlige alynýança danlara ruhanylyk
etdiler. 31 Hudaýyň öýüniň Şiloda bolan
wagtynyň bütin dowamynda, Mika ta-
rapyndan ýasalan sežde edilýän but şol
ýerde saklandy.

### 19-njy bap

***Benýamin tiresi masgara iş edýär***

1 Şol döwürde ysraýyllaryň patyşasy
ýokdy. Efraýym daglygynda bir lewi
ýaşaýardy. Ol Ýahuda ýurdunyň Beý-
tullaham galasyndan bir gyrnak aýaly
getirip, onuň bilen ýaşap başlady. 2 Ol
aýal öýkeläp, lewiniň ýanyndan öz atasy
öýüne, Beýtullaham galasyna gitdi; ol
atasy öýünde dört aýlap boldy. 3 Soňra

[a] **18:30** ***Musanyň agtygy*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Manaşanyň agtygy* diýip duş gelýär.

adamsy aýaly bilen ýaraşyp, ony ge-
tirmek üçin yzyndan ugrady. Onuň
ýanynda bir hyzmatkäri bilen iki sa-
ny eşegi bardy. Aýaly adamsyny atasy
öýüne saldy. Gaýynatasy ony güler ýüz
bilen garşylap, öz öýünde saklady. 4 Ga-
ýynatasy giýewsini öýünde galmaklyga
yrdy. Olar bu ýerde iýip-içip, üç gün
ýatdylar. 5 Dördünji gün olar ir oýan-
dylar, ol adam turup gitmekçi boldy.
Aýalyň kakasy öz giýewsine: «Bir dö-
wüm çörek iýiň, ýürekse ediniň, soň
hemmäňiz bile gidersiňiz» diýdi. 6 Olar
oturyp, bile iýip-içdiler. Aýalyň kakasy
öz giýewsine: «Ýene bir gün gal, keý-
piňi sazla» diýdi. 7 Ol adam ýene turup
gitmekçi boldy, emma gaýynatasy ony
galmaklyga yrdy. Ol ýene bir gije ýatdy.
8 Bäşinji gün, irden ol turup gitmekçi
boldy. Aýalyň kakasy oňa: «Bir zatlar
garbanyň, öýleden soň gidersiňiz» diýdi.
Olar bile iýip-içdiler. 9 Ol adamyň özi,
gyrnak aýaly we hyzmatkäri gitmek-
çi bolup ýerlerinden turanda, aýalyň
kakasy giýewsine: «Seret, Gün ýaşyp,
agşama golaýlap barýar. Bu gije-de
bu ýerde ýatyň, dem-dynjyňyzy alyp,
öýüňize ertir ir bilen turup gidersiňiz»
diýdi. 10 Emma ol adam ýatmaga razy
bolman, turup gidiberdi. Ol Ýabusa,
ýagny häzirki Iýerusalime tarap gitdi.
Onuň ýanynda ýükli eşekleri, gyrnak
aýaly bardy.

11 Olar Ýabusa golaýlanlarynda, Gün
ýaşyp barýardy. Hyzmatkär öz hojaýy-
nyna: «Ýör, Ýabusa baraly-da, gijäni şol
ýerde geçireli» diýdi. 12 Hojaýyny oňa:
«Ýok, biz Ysraýyla degişli bolmadyk bir
kesekileriň galasyna barmarys, Gibga
gideris. 13 Gibga ýa-da Rama ýetjek bo-
laly, gijäni şolaryň birinde geçireris»
diýdi. 14 Şeýdip, olar ýollaryny dowam
etdirdiler. Olar benýaminleriň Gibga
galasyna ýetenlerinde, Gün batypdy.
15 Olar gije Gibgada ýatmak üçin şol
tarapa öwrüldiler. Baryp, galanyň meý-
dançasynda düşlediler; hiç kim olary
öýüne çagyrmady.

16 Bir goja özüniň ekin meýdanyndan
öýüne gaýdyp gelýärdi. Ol bu ýere efra-
ýymlaryň ýaşaýan daglygyndan gelip,
Gibgada ýaşaýardy. Bu ýeriň ilaty bolsa
benýaminlerdi. 17 Goja gala meýdança-
syndaky ýolagçylary görüp, olardan:
«Nireden gelip, nirä barýarsyňyz?» di-
ýip sorady. 18 Ol adam: «Biz Ýahudanyň
Beýtullaham galasyndan gelýäris, indi
hem Efraýym daglygyna tarap, öýüme
barýaryn. Bizi hiç kim öýüne çagyrmady.
19 Eşeklerimiz üçin ot-iýmimiz, özüm,
aýalym we hyzmatkärim üçin çörek
hem şerap bar, hiç hili ýetmezçiligimiz
ýok» diýdi. 20 Goja oňa: «Arkaýyn bol,
ýetmeýän zadyňy bereýin, ýöne meý-
dançada ýatma» diýdi. 21 Goja olary öz
öýüne alyp bardy, eşeklerine iým berdi,
olar aýaklaryny ýuwdular, iýip-içdiler.

22 Olar ýaňy bir ýazylyp-ýaýnanla-
rynda, galanyň azgyn adamlary jaýyň
daşyny gabadylar. Gapyny ýumruklap,
öýüň hojaýynyna: «Öýüňe gelen erkegi
daşaryk çykar, biz ony zorlajak» diýip
gygyrdylar. 23 Öýüň hojaýyny daşaryk
çykdy-da: «Ýok, doganlar, beýle azgyn-
çylyk etmäň, ol meniň myhmanym, siz
beýle aýyp iş etmäň. 24 Içerde meniň el
degmedik gyzym we ol adamyň gyr-
nak aýaly bar. Olary daşary çykaraýyn,
olara islän işiňizi ediň, ýöne bu adama
degmäň» diýdi. 25 Emma olar garryny
diňlemediler. Şonda ýaňky gelen adam
öz gyrnak aýalyny zor bilen çykaryp,
olaryň eline berdi. Adamlar uzak gije ol
aýaly zorlap, namysyna degdiler. Daňdan
olar ony goýberdiler. 26 Daň agaranda,
aýal adamsynyň myhman bolan öýüniň

gapysyna gelip ýykyldy we jahan doly
ýagtylýança, şol ýerde ýatdy.
27Gyrnak aýalyň hojaýyny ýoluny
dowam etdirmek üçin irden gapyny
açyp, daşaryk çykanda, onuň ellerini
gapynyň bosagasynyň üstünde goýup
ýatandygyny gördi. 28Ol aýalyna: «Tur,
gideli» diýdi, emma aýaldan jogap bol-
mady, sebäbi ol eýýäm ölüpdi. Ol aýalyny
eşegine ýükläp, öz öýüne alyp gitdi.
29Öýüne gelip, eline pyçak aldy-da, gyr-
nak aýalynyň on iki synasyny kesişdirip,
on iki bölegi Ysraýylyň on iki tiresine
paýlady. 30Ol çaparlar ýollap, olara muny
görenlere şuny aýtmagy tabşyrdy: «Ys-
raýyllaryň Müsürden gelen gününden
bäri, munuň ýaly zat görlüp-eşidilmändi.
Indi oýlanyp görüň, maslahatlaşyp, biziň
näme etmelidigimizi aýdyň».

## 20-nji bap

### *Beýleki tireler benýaminlerden ar alýarlar*

1Soňra demirgazykda Dandaky, gün-
ortada Beýerşebadaky we gündogarda
Gilgatdaky ähli ysraýyllar bu çagyry-
şa jogap berdiler. Olaryň hemmesi bir
adam ýaly bolup, Mispada Rebbiň hu-
zurynda ýygnanyşdylar. 2Ysraýyllaryň
ähli tireleriniň ýolbaşçylary Hudaýyň
adamlarynyň ýygnagyna üýşdüler. Gy-
lyçlaryny ýalaňaçlan dört ýüz müň sany
esger hem şol ýerdedi. 3(Benýaminler
ysraýyllaryň Mispada üýşendiklerini
eşitdiler.) Ysraýyllar: «Nädip beýle mas-
garaçylyk bolup bildi?» diýip soradylar.
4Öldürilen aýalyň adamsy lewi şeýle
jogap berdi: «Men öz gyrnak aýalym
bilen benýaminleriň Gibga galasyna
baryp, gije şol ýerde ýatdyk. 5Gibganyň
adamlary gije biziň ýatan jaýymyzyň da-
şyny gabadylar. Meni öldürjek boldular,
meniň gyrnak aýalymy masgaralap, tä
ölinçä zorladylar, ol öldi. 6Men gyrnak
aýalymy ol ýerden getirip, kesişdir-
dim-de, Ysraýylyň ähli ýerine iberdim,
çünki Ysraýylda kada-kanuna laýyk
gelmeýän, masgaraçylykly iş etdiler.
7Ine, siz ysraýyllar, hemmäňiz şu bo-
lan işe serediň hem-de şu ýerde netije
çykaryň» diýdi.
8Tutuş halk bir adam ýaly bolup tur-
dy-da, şeýle diýdi: «Biziň hiç haýsymyz
öz çadyrlarymyza gitmeris, öz öýümi-
ze dolanmarys. 9Indi biz Gibgany, gör,
näderis: bije atyp, onuň üstüne kimiň
gitmelidigini saýlarys. 10Ysraýyllaryň
erkek adamlarynyň ondan birisi go-
şun üçin iýer-içer ýaly zatlar getirer,
galanlarynyň hemmesi benýaminleriň
Gibgada masgaraçylykly iş edendikleri
üçin, olary jezalandyrmaga gider». 11Ys-
raýyllar bir adam ýaly bolup, agzybirlik
bilen Gibga galasynyň üstüne gitmek
üçin ýygnandylar.
12Ysraýyllaryň ähli tiresi benýamin-
lere wekil iberip: «Sizde nähili beýle
nejis iş edilipdir. 13Siz Gibgadaky şol
azgyn adamlary biziň elimize tab-
şyryň, biz olary öldürip, erbetlikleri
köki-damary bilen Ysraýyldan goparyp
taşlarys» diýdiler. Emma benýaminler
öz doganlary bolan ysraýyllary diňle-
mediler. 14Benýaminler ysraýyllaryň
garşysyna uruşmak üçin, benýaminlere
degişli galalardan gelip, Gibga galasyna
ýygnandylar. 15Şol gün benýaminleriň
galalaryndan ýygnanyp, naýzalaryny
ýalaňaçlan esgerleriniň sany ýigrimi
alty müň adam boldy. Ondan başga-da,
Gibga galasyndan ýygnanan esgerleriň
sany ýedi ýüz adamdan ybarat boldy.
16Şol adamlaryň içindäki ýedi ýüz sa-
ny saýlama esger çepbekeýdi, olaryň
sapan bilen atýan daşy saçyň taryna

degmän geçmezdi. 17Diňe benýaminler
däl, eýsem, ysraýyllar-da gylyçlaryny
ýalaňaçlapdylar, olaryň sany dört ýüz
müň adamdan ybaratdy, hemmesi-de
uruşmaga ukyplydy.

18Ysraýyllar Beýtele bardylar-da:
«Haýsymyz urşa ilki başlarys?» diýip,
Hudaýdan soradylar.

Reb: «Ýahuda öňürti başlar» diýdi.

19Ysraýyllar ertesi irden Gibganyň
ýanynda düşelge gurup ýerleşdiler.
20Ysraýyllar benýaminleriň garşysyna
çykdylar-da, Gibganyň golaýynda sö-
weşmäge taýýarlanyp, nyzama durdular.
21Benýaminler Gibgadan çykdylar, şol
gün ýigrimi iki müň ysraýyly ýere ýazdy-
lar. 22-23Ysraýyllar Rebbiň huzuryna gelip,
tä agşama çenli aglap ýas tutdular we
Ondan: «Biz öz doganymyz bolan ben-
ýaminler bilen ýene-de söweşe girelimi?»
diýip soradylar. Reb: «Olaryň garşysyna
çykyň» diýdi. Ysraýyllar dogumlanyp,
şol öňküsi gün baryp duran ýerlerinde
ýene-de söweşmäge nyzama durdular.

24Ysraýyllar ikinji gün diýlende benýa-
minleriň üstüne bardylar. 25Benýaminler
şol güni Gibgadan ysraýyllaryň gar-
şysyna çykdylar we olar bu gezek on
sekiz müň iň güýçli edermen ysraýyl
urşujylaryny gylyçdan geçirdiler.

26Şonda ähli ysraýyllar tutuş halk
bolup, Beýtele bardylar. Olar oturyp,
Rebbiň huzurynda agladylar we şol
gün agşama çenli agyz beklediler. Mal
soýup, Rebbe ýakma hem-de salamatlyk
gurbanlygyny berdiler. 27-28Hudaýyň
Äht sandygy şonda şol ýerdedi we oňa
Harunyň ogly Elgazaryň ogly Pinehas
ýolbaşçylyk edýärdi. Ysraýyllar Rebden:
«Doganymyz bolan benýaminleriň gar-
şysyna söweşmäge gidelimi ýa-da ýok?»
diýip soradylar. Reb: «Gidiň, ertir Men
olary siziň eliňize bererin» diýdi.

29Ysraýyllar Gibganyň töwereginde
bukuda adam goýdular. 30Üçünji gün diý-
lende ysraýyllar benýaminleriň üstüne
bardylar we söweşmek üçin Gibganyň
ýanynda öňküleri ýaly nyzama durdular.
31Benýaminler ysraýyllaryň garşysy-
na hüjüm edip, galadan daşlaşdylar-da,
Beýtele tarap gidýän ýolda hem-de Gibga
tarap ekin meýdanynyň üsti bilen geç-
ýän ýoluň üstünde ysraýyllary ýene-de
öňküsi ýaly öldürdiler. Ysraýyllardan
otuza golaý adam öldürildi. 32Benýa-
minler: «Biz olary öňki ýeňşimiz ýaly
ýene ýeňeris» diýdiler. Ysraýyllar bol-
sa: «Olardan gaçaly-da, olaryň ünsüni
ýollara tarap sowup, olary galadan daş-
laşdyralyň» diýdiler. Şeýle hem etdiler.
33Ähli ysraýyllar ýerlerinden turdu-
lar-da, Bagal-tamarada nyzama durdular.
Ysraýyllaryň bukuda goýan adamlary
Gibganyň günbatar tarapyndan bukudan
çykdylar. 34Gibganyň ýanyna Ysraýylyň
ähli ýerinden saýlanyp alnanlaryň on
müňüsi geldi we gazaply söweş başlandy,
ýöne benýaminler entek özlerine bet-
bagtlyk garaşýandygyny bilmeýärdiler.
35Reb benýaminleri ysraýyllaryň öňünde
ýeňlişe sezewar etdi. Şol gün ysraýyllar
gylyçlaryny ýalaňaçlan ýigrimi bäş müň
bir ýüz benýamini öldürdiler.

36Benýaminler özleriniň ýeňilýän-
diklerine düşündiler. Ysraýyllar öz
orunlaryny benýaminlere berdiler, se-
bäbi olar Gibganyň golaýynda bukuda
oturanlara bil baglapdylar. 37Buku-
dakylar Gibga tarap topuldylar-da,
galadakylaryň ählisini gylyçdan ge-
çirdiler. 38Galadan ýokaryk galýan tüsse
bukudakylaryň çozmagy üçin duýduryş
bolsun diýip, ysraýyllar özara aýdyş-
dylar. 39Şeýlelikde, ysraýyllar söweş
meýdanyndan yza çekilende, benýamin-
ler ysraýyllaryň otuza golaý adamyny

boýun egdirdiler. Olar: «Ine, ysraýyllar
ýene-de öňküsi ýaly biziň öňümizde
ýykylyp ýatyrlar» diýdiler welin, edil
şol wagt 40 galanyň depesinde tüsse sü-
tün görnüşinde ýokary galyp başlady.
Benýaminler yzyna seredenlerinde, tu-
tuş galanyň depesinden tüssäniň göge
göterilýändigini gördüler. 41 Ysraýyllar
yzlaryna dolandylar, benýaminler özle-
riniň betbagtlyga uçrandyklaryny görüp,
yzlaryna gaýtmaga gorkdular. 42 Olar
ýola düşüp, çöle tarap ysraýyllardan ga-
çyp başladylar. Emma ysraýyllar olaryň
yzlaryndan galman ýetip, olary öldürdi-
ler, galadan çykanlaryny bolsa şol ýerde
gyrdylar. 43 Ysraýyllar benýaminleriň
daşyny gabadylar-da, olaryň yzyndan
kowup, Gibganyň gündogar tarapyna
ýetende, olaryň ählisini boýun egdi-
rip gyrdylar. 44 Benýaminleriň on sekiz
müň sany güýçli urşujylaryny öldürdiler.
45 Galanlary çöle, Rimmon gaýasyna ta-
rap gaçdylar, ýollarda ysraýyllar olaryň
ýene bäş müňüsini öldürdiler we Gidoma
çenli yzyndan kowaladylar-da, olaryň
ýene iki müňüni öldürdiler.

46 Benýaminlerden şol gün jemi ýigrimi
bäş müň adam öldi, olaryň hemmesi-de
güýçli edermen adamlardy. 47 Galan alty
ýüz sany benýamin çöle tarap Rimmon
gaýasyna gaçdy we olar dört aýlap şol
gaýada galdylar. 48 Ysraýyllar ýene-de
yzyna benýaminleriň üstüne gitdiler-de,
galadaky ähli ilaty, mallary, çem gelen
zatlary gylyçdan geçirdiler. Soňra şol ýer-
däki galan ähli galalary otlap ýok etdiler.

## 21-nji bap

### *Ysraýyllar benýaminlere gyz berýärler*

1 Ysraýyllar: «Hiç birimiz benýamin-
lere gyz bermeris» diýip, Mispada ant
içdiler. 2 Ysraýyllar Beýtele gelip, Hu-
daýyň huzurynda agşama çenli gaty
ses edip, zar-zar aglaşdylar. 3 Olar: «Eý,
Ysraýyl Hudaýy Reb! Ysraýyla näme
boldy? Ysraýyldan indi bir tire ýok bolup
ýitip gitmelimi?» diýdiler. 4 Ertesi güni
ilat irden turup, ol ýerde mal öldürdiler,
gurbanlyk sypasyny ýasap, ýakma hem-
-de salamatlyk gurbanlygyny berdiler.

5 Ysraýyllar: «Rebbiň huzurynda bolup
geçen ýygnanyşyga ysraýyl tirelerinden
kim gelmedikä?» diýişdiler. Bu ýygnany-
şyga gelmedikleriň öldüriljekdigi barada
ant içilip kasam edildi. 6 Ysraýyllaryň ben-
ýaminlere, ýagny öz doganlaryna nebisleri
agyryp: «Indi ysraýyllaryň bir tiresi ke-
silip taşlandy. 7 Biz olara gyz bermezlige
Rebbiň huzurynda ant içdik. Indi olaryň
diri galanlarynyň aýal meselesini nähili
çözmeli bolarkak? 8 Mispadaky Rebbiň
huzurynda bolan ýygnanyşyga Ysraýyl
neslinden gelmedik barmy?» diýişdiler.
Ýygnanyşyga Gilgatdaky Ýabeşden adam
gelmändir. 9 Görseler, ol ýerde Gilgatdaky
Ýabeşden bir adam hem ýok eken. 10 Eder-
men ýigitleriň on iki müňüsini jemagat ol
ýere iberip, olara: «Baryň, Ýabeşiň ilatyny,
aýallaryny we çagalaryny gylyçlap öldü-
riň. 11 Öýlenenleriniň hem-de durmuşa
çykanlarynyň ähliisini bütinleý ýok ediň,
diňe gyzlara degmäň» diýip buýurdylar.
Olar aýdylyşy ýaly-da etdiler. 12 Ýabeşiň
ilatyndan dört ýüz sany boý gyzy özleri
bilen alyp, Kengan ýurdundaky Şilo ga-
lasyndaky düşelgä getirdiler.

13 Halk Rimmon gaýasyndaky ben-
ýaminler bilen gepleşik geçirmek üçin,
ol ýere adam iberdi, olar bilen ylalaşyk
yglan edildi. 14 Şonda benýaminler Ys-
raýyla dolanyp geldiler we ysraýyllar
diri galdyrylan Ýabeşiň gyzlaryny olara
aýallyga berdiler; ýöne olaryň hemme-
sine gyz ýetmedi.

15 Ysraýyl halky benýamin tiresine
gynandy, sebäbi Reb Ysraýyl tireleriniň
bütewüligini bozdy. 16 Ýaşulular: «Ben-
ýaminleriň aýallarynyň ýok edilendigine
görä, bu galanlaryna aýal alyp bermek-
lik meselesini nätsekkäk?» diýişdiler.
17 Olar: «Ysraýyllaryň bu tiresi ýitip
gitmez ýaly, benýaminleriň diri galan-
larynyň özleriniň mülki bolsun, 18 ýöne
biz olara gyz berip bilmeris, çünki: „Kim
benýaminlä gyz berse, oňa nälet bolsun“
diýip ant içipdik» diýdiler. 19 Onsoň olar:
«Ine, Beýteliň demirgazygynda, Şekeme
gidýän ýoluň gündogarynda we Liwanyň
günortasynda ýerleşýän Şiloda her ýyl
Rebbe bagyşlanan baýramçylyk bolýar»
diýişdiler. 20 Olar benýaminlere gör-
kezme berip şeýle diýdiler: «Baryň-da,
üzümçiligiň içinde oturyň. 21 Şilonyň
gyzlary üýşüp tans eden wagtlarynda,
üzümçilikden çykyň-da, Şilo gyzlaryn-
dan heriňiz birini tutup, olara öýleniň
we benýaminlere degişli ýere äkidiň.
22 Gyzlaryň kakalary ýa-da doganlary
biziň ýanymyza arz edip gelseler, biz
olara: „Şolar üçin biz sizden ötünç sora-
ýarys, olaryň beýtmeginiň sebäbi biziň
söweşip, ýesir getiren gyzlarymyz olaryň
hemmesine ýetmedi, siziň özüňiz hem
olara gyzlaryňyzy bermediňiz“ diýip aý-
darys» diýdiler. 23 Benýaminler aýdylyşy
ýaly hem etdiler; üýşüp tans edip ýören
gyzlardan hersi birini ogurlap, öz mülk-
lerine getirdiler we galalar gurup, ýaşap
başladylar. 24 Edil şol wagty ysraýyllar
ol ýerden gaýdyp, hersi öýli-öýüne, öz
tiresine we mülklerine dolanyp bardy.

25 Şol döwürde ysraýyllaryň patyşasy
ýokdy; her kim öz göwnüne gelenini
ederdi.

# Rut

## Giriş

*Rut* kitabyndaky wakalar *Ysraýyl sedarlary* kitabynda beýan edilen gyzgalaňly wakalaryň döwründe bolup geçýär. Mowaply Rut diýen gyz bir ysraýylla durmuşa çykýar. Emma aradan birnäçe wagt geçenden soň, onuň adamsy ýogalyp, dul galýar. Onuň gaýynenesi Nagomy öz ata ýurdy Ýahuda dolanmakçy bolanda, Ruta ak pata berip, ony atasy öýüne goýberýär. Emma Rut: «Seni terk edip ýanyňdan gitmegi menden haýyş etme. Sen nirä gitseň, menem şol ýere gitjek. Sen nirede bolsaň, menem şol ýerde boljak. Seniň halkyň – meniň halkym, seniň Hudaýyň meniň Hudaýym bolar» diýýär. Rutuň gaýynenesine şeýle wepadarlygy, ysraýylyň Hudaýyna bolan çuňňur söýgüsi üçin Hudaý ony ýalkaýar. Rut öňki adamsynyň garyndaşyna durmuşa çykyp, Dawut pygamberiň enesi bolýar. Ruty şeýle ýalkamak bilen, Hudaý adamlaryň aslyna däl-de, onuň ýüregine garaýandygyny mälim edýär.

### *Mazmuny*


Nagomynyň Rut bilen Beýtullahama gaýdyp gelmegi ...................... *1:1-22*
Rutuň Bowaza duşmagy.............................................................. *2:1–3:18*
Bowazyň Ruta öýlenmegi ................................................................ *4:1-22*


---

### 1-nji bap

#### *Elimelek maşgalasy bilen Mowaba göçüp gidýär*

1 Ýurdy serdarlaryň dolandyrýan döw-
ründe açlyk höküm sürýärdi. Ýahuda
ýurdunyň Beýtullaham galasyndan bir
adam aýaly we iki sany ogly bilen Mowap
topragyna wagtlaýynça ýaşamaga gitdiler.
2 Ol adamyň ady Elimelek, aýalynyň ady
Nagomy, ogullarynyň atlary bolsa Mahlon
hem Kilýondy. Olar Ýahudanyň Beýtul-
laham galasyndan, efrat tiresindendiler.
Olar Mowaba gelip, şol ýerde galdylar.
3 Nagomynyň adamsy Elimelek ara-
dan çykandan soň, ol iki ogly bilen dul
galdy. 4 Onuň ogullary mowaply gyzlara
öýlendiler. Gyzlaryň biriniň ady Or-
pa, beýlekisiniň ady Rutdy. Elimelegiň
maşgalasy Mowapda on ýyl töweregi
ýaşandan soň, 5 ogullary Mahlon bilen
Kilýon hem ölüp, Nagomy ogullaryndan
hem adamsyndan mahrum boldy.

#### *Nagomy bilen Rut Beýtullahama gaýdyp gelýärler*

6 Nagomy öz gelinleri bilen Mowap
ýurdundan gitmäge taýýarlanýardylar,
sebäbi ol entek Mowap topragyndaka,

Rebbiň Öz halkyna nazar salyp, çörek
berendigini eşidipdi. [7]Olar öz ýaşaýan
ýerlerinden çykyp, Ýahuda tarap, üç
bolup ýöräp ugradylar.
[8]Nagomy iki gelnine-de: «Baryň, iki-
ňiz hem ejeňiziňkä gaýdyberiň. Maňa
we merhum gaýynataňyza hem-de ada-
myňyza hemişe wepalylyk görkezişiňiz
ýaly, size-de, goý, Reb öz wepalylygyny
görkezsin. [9]Siziň durmuşa çykyp, indiki
adamyňyz bilen rahat ýaşamagyňyza
Reb ýardam etsin» diýip, olary ogşady.
Emma olaryň ikisi-de ses edip aglaşdylar.
[10]Gelinleri: «Ýok, biz seniň bilen bile
seniň halkyň arasyna gideris» diýdiler.
[11]Nagomy: «Gaýdyň gyzlarym! Siz nä-
me üçin meniň bilen gitjek?! Indi men size
öýlener ýaly ogul dogrup bilmen ahyryn.
[12]Gyzlarym, yzyňyza gaýdyň, öz ýoluňyz
bilen gidiň! Men indi äre barardan garry.
Eger-de: „Mende entek umyt bar“ diýip,
edil şu gijäniň özünde meniň adamym
bolup, ýene ogullary dünýä inderäýe-
nimde-de, [13]olar kemala gelýänçä, siz
garaşarmydyňyz? Olara durmuşa çykmak
üçin siz başga äre barman saklanarmy-
dyňyz? Ýok, gyzlarym, meniň ýagdaýym
siziňkiden has agyr, çünki meniň garşy-
ma çykan – Rebbiň hut Özi» diýdi.
[14]Olar ýene-de ses edip aglaşdylar. Or-
pa gaýynenesini ogşap hoşlaşdy, emma
Rut Nagoma ýapyşdy.
[15]Nagomy oňa ýüzlenip: «Ine, seniň
eltiň öz halkynyň içine, öz hudaýla-
ryna dolandy, senem onuň yzy bilen
gidäý» diýdi.
[16]Emma Rut: «Seni terk edip ýanyň-
dan gitmegi menden haýyş etme. Sen
nirä gitseň, menem şol ýere gitjek. Sen
nirede bolsaň, menem şol ýerde boljak.
Seniň halkyň – meniň halkym, seniň
Hudaýyň meniň Hudaýym bolar. [17]Sen
nirede ölseň, men-de şol ýerde ölüp,
şol ýerde jaýlanjak. Eger-de ölümden
başga zat meni senden aýyrsa, onda,
goý, Reb maňa mundan hem beterini
görkezsin» diýdi.
[18]Nagomy Rutuň yzyna gaýtmajagyna
hem-de özi bilen galjagyna göz ýetiren-
den soň, oňa hiç zat diýmedi.
[19]Şeýdip, olaryň ikisi-de Beýtullahama
çenli ýöräp gaýtdylar. Olar Beýtulla-
hama gelip ýetenlerinde, bütin gala
herekete gelip, aýallar: «Bu Nagomy-
my?!» diýip, bir-birlerinden soraşdylar.
[20]Nagomy olara garap: «Siz maňa Na-
gomy [a] diýmäň, Mara [b] diýiň, sebäbi
Gudratygüýçli maňa gaty ajy durmuş
berdi. [21]Men bu ýerden gidenimde doly
gidipdim, ýöne Reb meni yzyma boş gaý-
tardy. Reb hasrat çekdirýän wagtynda, siz
nädip maňa Nagomy diýip bilýärsiňiz?
Gudratygüýçli meni betbagt etdi» diýdi.
[22]Şeýlelikde, Nagomy özüniň mowaply
gelni Rut bilen Mowap ýurdundan yzyna
gaýdyp geldi. Olar Beýtullahama arpa
oragynyň başyna geldiler.

**2-nji bap**

***Rut Bowazyň ekin meýdanynda işleýär***

[1]Elimelegiň kowmyndan, ýagny Nago-
mynyň äriniň ýakyn garyndaşlaryndan
bir tanymal hem-de baý adam bardy.
Onuň ady Bowazdy.
[2]Mowaply Rut Nagoma: «Men ekin
meýdanyna gideýin, ol ýerde maňa öz
yzyndan hoşa çöplemäge rugsat eden
adam tapylsa, onuň yzyndan hoşa

---

[a] **1:20** ***Nagomy*** – bu söz *ýakymly* diýmegi aňladýar.
[b] **1:20** ***Mara*** – bu söz *ajy* diýmegi aňladýar.

çöplärin» diýdi. Ol hem: «Gidiber, gy-
zym» diýdi. 3 Rut gidip, orakçylaryň
yzyndan hoşa çöplemäge başlady. Onuň
tötänden giren ýeri Elimelegiň kowmyn-
dan bolan Bowazyň ekin meýdany eken.

4 Ine, Bowaz Beýtullahamdan geldi.
Ol orakçylara: «Reb siz bilen bolsun!»
diýip ýüzlendi. Olar hem: «Seni-de Reb
ýalkasyn!» diýip jogap berdiler.

5 Bowaz orakçylaryň ýolbaşçysyndan:
«Bu gelin kim?» diýip sorady.

6-7 Orakçylaryň ýolbaşçysy oňa: «Bu
mowaply gelin. Ol Nagomy bilen Mo-
wap ýurdundan gelen. Ol orakçylaryň
yzyndan hoşa çöplemek üçin menden
rugsat sorady. Irdenki gelşinden tä şu
wagta çenli hoşa çöpläp ýör, işiň ara-
lygynda teläriň astynda diňe bir salym
dynç aldy» diýip jogap berdi.

8 Bowaz Ruta: «Diňle, gyzym, hoşa
çöplemäge başga ýere gitme. Bu ýer-
den aýrylma, biziň gelin-gyzlarymyzyň
ýanynda bol. 9 Gözüň orakçylaryň orak
orýan meýdanynda bolsun, sen olaryň
yzyndan ýöre. Men öz adamlaryma saňa
azar bermezligi tabşyrandyryn. Suwsan
wagtyň hyzmatkärleriň dolduran küýze-
lerindäki suwdan içersiň» diýip tabşyrdy.

10 Rut iki bükülip tagzym edip: «Meniň
bir kesekidigime garamazdan, sen men
barada näme beýle aladalanýarsyň? Sa-
ňa beýle ýakymly görünmegime näme
sebäp boldy?» diýdi.

11 Bowaz oňa: «Seniň adamyň ölenden
soň, öz gaýynneneňe eden ýagşylyklaryň
barada hemme zat maňa mälim. Sen
ene-ataňy, dogduk mekanyňy taşlap, hiç
bir tanamaýan halkyň arasyna gelipsiň.
12 Eden ýagşylyklaryň Rebden gaýtsyn!
Seniň pena tapynan Rebbiň, Ysraýyl Hu-
daýy sylagyňy bersin!» diýip jogap berdi.

13 Rut: «Meniň jenabym, sende rehim-
-şepagat tapaýyn. Men seniň gyrnagyň
bolmasam-da, mylaýym sözleriň bilen
öz gyrnagyň göwnüni göterdiň» diýdi.

14 Nahar wagty bolanda, Bowaz oňa:
«Bärik gel-de, biraz nan alyp, şeraba ba-
tyryp iý» diýdi. Rut orakçylaryň ýanynda
oturdy. Bowaz oňa gowurga uzatdy. Ol
iýip doýdy, galanyny ýygnap goýdy. 15 Ol
hoşa çöplemek üçin ýerinden galanda,
Bowaz özüne degişli erkek adamlara:
«Desseleriň arasyndan-da çöplesin. Oňa
hiç zat diýmäň. 16 Oňa desseleriňizden-de
baş sogrup goýuň; çöplesin, käýemäň»
diýip tabşyrdy. 17 Ol agşama çenli meý-
danda hoşa çöpledi, çöplänini döwdi.
Ýarym batmana golaý arpa boldy.

18 Onsoň ony göterip, gala geldi we
ýygnan arpasyny gaýynenesine görkezdi.
Rut özünden galan gowurgany çykaryp,
gaýynenesine berdi.

19 Gaýynenesi oňa: «Bu gün hoşany
nireden çöplediň? Nirede işlediň? Sen
barada aladalanan bu adamy Hudaý
ýalkasyn» diýdi. Rut gaýynenesine ki-
miň ýanynda hoşa çöpländigini aýtdy.
Rut: «Meniň bu günki hoşa çöplän
ýerimiň eýesiniň ady – Bowaz» diýdi.

20 Nagomy gelnine: «Wepalylygyny
ölülerden, dirilerden gaýgyrmadyk Reb
bu adamy ýalkasyn! Bu adam biziň
garyndaşymyzdyr, iň ýakyn hossarla-
rymyzyň biridir» diýdi.

21 Mowaply Rut: «Ol maňa: „Ekin meý-
danymda orak orulýan möwsüm doly
tamamlanýança, meniň işgärlerimiň
ýanynda boluber“ diýdi» diýip, bolan
zatlary gaýynenesine gürrüň berdi.

22 Nagomy gelnine: «Hawa gyzym,
ekin meýdanyna onuň gelin-gyzlary
bilen bile çykanyň gowy, başga biriniň
ekin meýdanynda saňa erkekler azar
bererler» diýdi.

23 Rut arpa oragynyň we bugdaý oragy-
nyň möwsümi gutarýança, hoşa çöplän

wagtynda Bowazyň gelin-gyzlarynyň
ýanynda bolup, gaýynenesi bilen bile
ýaşaberdi.

## 3-nji bap

### *Rut harmana barýar*

1 Gaýynenesi Nagomy Ruta ýüzlenip:
«Gyzym, saňa gowy bolar ýaly, täze mes-
gen gözläýsem, oňat bolardy! 2 Bowazyň
gelin-gyzlary bilen bile hoşa çöplediň,
şol Bowaz biziň ýakyn garyndaşymyz
dälmi näme? Ol şu gije harmanda arpa
sowurýar. 3 Sen ýuwun-da, endamyňa
ýag çal, iň gowy geýimleriňi geýip, har-
mana bar, ýöne ol iýip-içip bolýança, oňa
görünme. 4 Ol ýatmaga gidende, onuň ni-
rede ýatýandygyny anykla; onsoň baryp,
onuň ýorganyny aç-da, girip aýagujunda
ýat. Näme etmelidigini onuň özi aýdar»
diýdi. 5 Rut oňa: «Seniň ähli diýenleriňi
aýdyşyň ýaly ederin» diýdi. 6 Şeýlelikde,
harmana baryp, gaýynenesiniň hemme
tabşyranlaryny ýerine ýetirdi.
7 Bowaz iýip-içip, keýpini kökledi. Soň
harmanyň gyrasyna ýatmaga gitdi. Rut
bolsa assyrynlyk bilen gelip, onuň aýagu-
jy tarapyndan ýorgany açyp, girip ýatdy.
8 Ýarygije Bowaz tisginip oýandy, görse,
aýagujunda bir aýal ýatyr. 9 Bowaz oňa:
«Sen kim?» diýdi. Ol: «Men Rut, seniň
gyrnagyň. Meniň garamatymy öz üstüňe
alsana, çünki sen biziň ýakyn hossary-
myzsyň» diýip jogap berdi. 10 Bowaz:
«Gyzym, goý, seni Reb ýalkasyn, seniň
soňky görkezen wepalylygyň ozalkyň-
dan-da has gowy, çünki sen haýsydyr bir
garyp ýa baý ýaş ýigidiň yzyna düşüp
gitmediň. 11 Gyzym, gorkma; men seniň
soran zatlaryňy ederin. Obamyzyň ähli
adamlary seniň päk aýaldygyňy bilýär.
12 Dogry, menem hossaryňdyryn welin,
ýöne saňa menden-de has ýakyn bir
hossaryň bar. 13 Bu gije sen şu ýerde ýat,
ertir ol saňa hossar çyksa çykar, bolma-
sa-da, men özüm saňa hossarlyk ederin,
Rebbiň barlygynda muňa ant içýärin!
Ertire çenli sen şu ýerde boluber» diýdi.
14 Şeýlelikde, Rut onuň aýagujunda ertire
çenli ýatyp, daňdan alagaraňkylykda
turdy. Bowaz: «Harmana aýal gelendigi
bilinmesin» diýdi. 15 Onsoň Ruta: «Ýa-
pynjaňy getirip, ony ýere ýaz!» diýdi. Rut
şeýle hem etdi. Bowaz arpadan galbir
bilen alty gezek alyp, Rutuň ýapynjasyna
guýdy-da, onuň omzuna goýdy. Soňra
Bowaz gala tarap gitdi.
16 Rut gelende, gaýynenesi oňa: «Gy-
zym, hany aýt, nämeler bolup geçdi?»
diýdi. Ol hem Bowaz bilen bolan zat-
laryň baryny aýdyp berdi. 17 Soňra Rut:
«Bowaz maňa „Gaýyneneň ýanyna eliň
boş gitme“ diýip, ine, şu alty galbir ar-
pany berdi» diýdi. 18 Nagomy: «Gyzym,
bu işiň soňunyň nähili boljakdygy belli
bolýança, garaşyber, çünki ol bu işi şu
gün bitirmän ynjalmaz» diýdi.

## 4-nji bap

### *Bowaz Ruta öýlenýär*

1 Bowaz galanyň derwezesiniň agzyna
gelip oturdy. Şol wagt Bowazyň: «Ol
saňa has ýakyn hossardyr» diýen adamy
geçip barýardy. Bowaz ony gören bady-
na adyny tutup: «Bärik sowul, gel, şu
ýerde otur» diýip, ony ýanyna çagyrdy.
Ol gelip oturdy.
2 Soňra Bowaz galanyň ýaşulularyndan
on adamy çagyrdy-da, «Geliň, ýanymda
oturyň» diýdi. Olar oturdylar.
3 Bowaz ýaňky ýakyn hossaryna: «Mo-
wap ýurdundan yzyna gelen Nagomy
doganymyz Elimelegiň ýer paýyny satjak
bolýar. 4 Men muny bu ýerde oturanlaryň
we halkymyň ýaşulularynyň huzurynda

saňa eşitdireýin diýdim, ony sen satyn
al. Eger ýere eýelik edip biljek bolsaň-a
et, eýelik edip bilmejek bolsaň-da, ony
aýt, men bu barada bileýin. Sebäbi onuň
iň ýakyn hossary sensiň, galyberse-de,
mendirin» diýdi. Ýaňky ýakyn garyn-
daşy: «Eýelik ederin» diýdi. 5Bowaz:
«Eger-de sen Nagomynyň ýerini satyn
alaýsaň, onda mowaply dul aýal Ruta
öýlenmeli bolarsyň. Çünki Rutdan çaga
dünýä inse, şol ýer çaganyň adyna geçer
we öleniň ady dikeldiler» diýdi.
6Ýaňky ýakyn hossary: «Men oňa
eýe çykyp biljek däl, eger eýe çykaý-
sam, onda, öz mirasymy dagadaryn,
ony sen alaý. Men beýle edip biljek däl»
diýdi. 7Haýsydyr bir zada eýe çykylanda
ýa-da ýer başga biriniň adyna geçiri-
lende, muny makullamak üçin ozallar
Ysraýylda şeýle däp bardy: taraplaryň
biri aýakgabynyň bir taýyny çykaryp,
beýlekä uzadardy. 8Şoňa görä ýaňky
ýakyn hossary Bowaza: «Seniň özüň
satyn alaý» diýip, aýakgabyny çykardy.
9Bowaz ýaşululara, derwezäniň
agzyndaky adamlara: «Elimelegiň,
Kilýonyň we Mahlonyň ähli emlägini
Nagomydan meniň satyn alandygyma
bu gün siz şaýatsyňyz. 10Şeýle hem
merhumyň ady öz mirasynyň üstünde
berkarar bolup, doganlarynyň arasynda,
dogduk mekanynda onuň ady ýitmez
ýaly, Mahlonyň aýaly, mowaply Ruty
men özüme aýallyga alýaryn. Siz muňa
şaýatsyňyz» diýdi.
11Derwezäniň agzyna üýşen ýaşulular
we beýleki adamlar Bowaza ýüzlenip:
«Biz şaýatdyrys. Goý, Reb seniň öýüňe
geljek aýaly Rahel we Leýa ýaly etsin! Ol
ikisinden ysraýyl halky emele gelendir.
Efrat urugynyň arasynda seniň döwletiň
artyp, adyň Beýtullahama dolsun! 12Şu
gelniň üsti bilen Rebbiň saňa berjek
perzentlerinden dörejek nesil Tamaryň
Ýahuda dogrup beren ogly Peresiň nesli
ýaly bolsun!» diýdiler.

### *Nagomy şatlanýar*

13Bowaz Ruta öýlendi. Ol onuň ýanyna
girdi; Rut Rebbiň merhemeti bilen göw-
reli boldy we bir ogul dogurdy.
14Aýallar Nagoma: «Rebbe alkyş bol-
sun! Ol bu gün seni hossarsyz goýmady.
Dünýä inen bu oglanyň ady Ysraýylda
uly hormata eýe bolsun! 15Ol seniň
durmuşyňy täzelär. Garranyňda, ol sa-
ňa arkadaýanç bolar. Seniň üçin ýedi
oguldan hem artyk bolan bu gelniň
saňa ogul dogrup berdi, ol seni söý-
ýär» diýdiler.
16Nagomy çagany alyp, gujagyna gys-
dy we oňa eneke boldy.
17Goňşy aýallar çaga at goýup: «Na-
gomy üçin bir ogul doguldy» diýişdiler.
Ony Obet diýip atlandyrdylar. Obet Da-
wudyň kakasy Ýyşaýyň kakasydyr.

### *Dawut patyşanyň nesil daragty*

18-22Peresiň nesilleri şulardyr: Peres-
den Hesron, Hesrondan Ram, Ramdan
Eminadap, Eminadapdan Nahşon, Nah-
şondan Salmon, Salmondan Bowaz,
Bowazdan Obet, Obetden Ýyşaý, Ýy-
şaýdan bolsa Dawut dünýä indi.

# Şamuwel pygamber

## Birinji kitap

## Giriş

*Şamuwel pygamber* barada iki kitap ýazylyp, olar onuň hatyrasyna atlandyrylandyr. Hudaýyň ylhamyndan dolan bu pygamber ýsraýyl halkynyň taryhynda görnükli orunlaryň birini eýeleýär.

Serdarlar döwri tamamlanyp barýardy. Ysraýyl halky daş-töwerekdäki halklarda bolşy ýaly, özlerine patyşa saýlamak isläp, muny Şamuwel pygamberden talap edýär. Şamuwel pygamber gelejekki patyşalaryň olara sütem etjekdigini, emläklerini, ogul-gyzlaryny zorluk bilen aljakdygyny, özi üçin işlemäge mejbur etjekdigini halka duýdurýar. Emma halk niýetinden dänmän, özlerine patyşa bellemegini Şamuwel pygamberden talap edýär.

Şamuwel pygamber halkyň islegini bitirmek üçin Hudaýa doga-dileg edýär. Hudaý hem oňa Kiş ogly Şawuly görkezýär. Şeýdip, ol ysraýyl halkynyň ilkinji patyşasy bolýar. Emma Şawul Hudaýyň tabşyryklaryny saklaman, Onuň buýruklaryna boýun bolmansoň, patyşalykdan mahrum edilýär. Hudaý onuň deregine goýun bakyp, gije-gündiz Hudaýa sežde nagmalaryny aýdýan pespäl, hoşgylaw we batyrgaý Dawut pygamberi saýlaýar. Ol ysraýyl halkyna hüjüm edýän piliştlileriň Jalut atly pälwanyny ýeňýär. Dawut Hudaýyň ylhamyndan we güýjünden dolup, ysraýyl halkyna görlüp-eşidilmedik ýeňişler getirýär.

Kitapda Rebbiň Dawut pygamber bilen baglanyşan ähti barada hem beýan edilýär. Dawut Rebbe sežde etmek üçin bir ybadathana gurmakçy bolýar. Emma Reb sežde öýüni Dawudyň oglunyň gurjakdygyny aýdýar. Şeýle-de Reb Dawudyň nesil şalygyny baky berkarar etjekdigini wada berýär.

Mundan başga-da, Dawut pygamber ökde sazanda bolup, Hudaýa ençeme mezmurlary bagyş edýär. Bu mezmurlar biziň günlerimizde-de aýdylýandyr!

### *Mazmuny*


Şamuwel pygamber Ysraýylyň soňky serdary ................................ *1:1–7:17*
Şamuwel Şawuly Ysraýylyň ilkinji patyşasy edip belleýär .......... *8:1–12:25*
Reb Şawulyň patyşalygyny ret edýär........................................... *13:1–15:35*
Şamuwel Dawudy patyşalyga belleýär......................................... *16:1–18:16*
Şawul Dawudy öldürmekçi bolýar .............................................. *18:17–27:12*
Şawulyň soňky söweşi.................................................................. *28:1–31:13*

## 1-nji bap

### *Şamuwel pygamber dogulýar*

1 Efraýym daglygyndaky Ramataýym-
sopym galasynda Elkana diýen bir adam
ýaşaýardy. Efraýym tiresinden bolan
bu adam Ýerohamyň ogly, Elihuwyň
agtygy, Tohuwyň çowlugy we Supuň
ýuwlugydy.
2 Elkananyň Hanna hem-de Peninna
atly iki aýaly bardy. Peninnanyň çaga-
lary bardy, emma Hannadan perzent
bolmaýardy. 3 Elkana ýylyň-ýylyna Hök-
mürowan Rebbe sežde etmek hem Oňa
gurbanlyk bermek üçin, Şilo galasyna
gidýärdi. Ol ýerde Eliýiň Hopny we Pi-
nehas atly iki ogly bardy. Olar Rebbiň
ruhanylarydy.
4 Elkana her gezek Şiloda gurbanlyk
berende, gurbanlyk etinden aýaly Penin-
na hem-de onuň çagalarynyň hersine bir
paýdan bererdi. 5 Emma ol Hanna iki paý
bererdi. Çünki Reb Hannany önelgesiz
edenem bolsa, Elkana ony söýýärdi.
6 Rebbiň perzent bermeýändigi sebäpli,
Hannanyň günüsi ony ynjadardy, kem-
siderdi. 7 Bu ýyllarboýy şeýle boldy. Her
gezek Rebbiň öýüne gidende, Hannanyň
günüsi onuň derdini gozgaýardy.
Bir gün hem Hanna oturyp aglady
we hiç zat datmady. 8 Äri oňa: «Hanna,
sen näme üçin aglaýaň, näme üçin hiç
zat iýmeýäň, näme üçin beýle hasrat
çekýäň? Seniň üçin men on oguldan-da
artyk dälmi näme?!» diýdi. 9 Olar iýip-
içip bolanlaryndan soň, Hanna ýerinden
turup, Rebbiň huzuryna bardy. Eliý ru-
hany şol wagt Rebbiň ybadathanasynyň
söýesiniň gapdalyndaky kürsüde otyrdy.
10 Hannanyň kalby hasratdan doludy.
Ol gözünden boýur-boýur ýaş döküp
durşuna, Rebden dileg etdi. 11 Ol şeýle
kasam etdi: «Eý, Hökmürowan Reb, Öz
gyrnagyňyň çekýän hasratyna nazar
sal, ony ýatla. Öz gyrnagyňy gözden
salma-da, gaýtam, oňa bir ogul ber, men
ony Saňa ömürlik nazyr[a] edeýin, onuň
kellesine päki degmez».
12 Hanna Rebbiň huzurynda uzak
wagt dileg edensoň, Eliý onuň agzyna
seredip otyrdy. 13 Hanna içinden dileg
edensoň, onuň sesi eşidilmän, diňe do-
daklary gymyldaýardy. Şoňa görä Eliý
oňa serhoşdyr öýtdi. 14 Eliý oňa: «Ha-
çana çenli beýdip, entirekläp ýörjek?
Bar, serhoşlykdan açylansoň gel» diýdi.
15 Hanna oňa: «Ýok, agam, men serhoş
däl, men ýarym göwün bir biçäre. Meniň
çakyr-şerapdan içen zadym ýok. Men
diňe Rebbiň huzurynda içimi dökýän.
16 Gyrnagyňa ýaramaz aýaldyr öýtme.
Men ajy gam-gussadan we gaýgy-has-
ratdan ýaňa dileg edýärin» diýip jogap
berdi. 17 Eliý oňa: «Bar, arkaýyn öýüňe
gaýdyber, goý, Ysraýyl Hudaýy dilegiňi
kabul etsin» diýdi. 18 «Öz gyrnagyňa
merhemet et!» diýip, Hanna öz ýolu-
na gitdi. Soňra ol naharlandy. Ol indi
gamgyn däldi.
19 Ertesi irden turup, olar Rebbe sežde
etdiler, soňra yzlaryna gaýtdylar we
Ramadaky öz öýlerine dolanyp geldiler.
Elkana öz aýaly Hanna ýanaşdy; Reb
onuň dilegini kabul etdi. 20 Şeýlelikde,
Hanna göwreli bolup, bir ogul dogurdy.
«Men muny Rebden diläp aldym» diýip,
ol oglunyň adyna Şamuwel[b] dakdy.

---

[a] **1:11** ***Nazyr*** – özüni Hudaýa bagyşlan adamlaryň saçyna päki degirmezlik nyşany. Sözlüge seret.

[b] **1:20** ***Şamuwel*** – bu söz *Onuň ady Hudaý* diýmegi aňladýar.

### *Hanna Şamuweli Rebbe bagyş edýär*

21 Onuň äri Elkana tutuş maşgalasy
bilen ýene ýyllyk gurbanlygyny bermek
üçin hem-de beren wadasyny ýerine
ýetirmek üçin, Şilo gitmekçi bolanda,
22 Hanna bu gezek onuň bilen gitmedi.
Ol adamsyna: «Süýtden aýrylandan soň,
men çagany Rebbiň huzuryna alyp ba-
raryn, ol şol ýerde ömürlik galar» diýdi.
23 Elkana oňa: «Bolýar, gözel göwnüň,
çagaň süýtden aýrylýança garaşaý. Goý,
Reb seniň wadaňy[a] amala aşyrsyn!»
diýdi. Şunlukda, Hanna öýde galyp,
çagany süýtden aýyrýança, oňa seretdi.
24 Çagany süýtden aýrandan soň, üçýaşar
öküz[b] bir batman un we bir tulum şerap
bilen bilelikde Hanna ony Şilo galasyna
Rebbiň öýüne getirdi; çaga entek ýaşdy.
25 Bir öküzi gurbanlyk berenlerinden soň,
olar çagany Eliýiň ýanyna alyp bardylar.
26 Hanna Eliýä ýüzlenip: «Eý, agam, öm-
rüň uzak bolsun! Men şu ýerde huzuryňda
durup, Rebden dileg eden aýal. 27 Ine, şu
çaga üçin dileg edipdim. Reb meniň di-
legimi kabul etdi. 28 Şoňa görä men ony
Rebbe berýärin. Goý, ol tä ömri ötýänçä,
Rebbiň hyzmatynda bolsun» diýdi.
Soňra ol şol ýerde Rebbe sežde etdi.

## 2-nji bap

### *Hanna Rebbe alkyş aýdýar*

1 Onsoň Hanna Rebbe dileg etdi:
«Reb kalbymy şatlyga besledi,
Reb bilime kuwwat berdi.
Seniň halas edeniň üçin, men
şadyýan!
Duşmanlarymyň üstünden
gülýän.
2 Reb mukaddesdir, Oňa taý
bolmaz,
Ondan gaýry Hudaý bolmaz,
biziň Hudaýymyz deý Gaýa
bolmaz.
3 Buýsançdan doly sözlerden el
göter.
Ulumsylyk bilen gep urma,
çünki ähli iş Rebbe aýandyr.
Hemmesine kazylyk edýän
Şoldur.
4 Güýçlüleriň ýaýy döwüldi,
ejizlere kuwwat geldi.
5 Doklar bir döwüm çörek üçin
günlükçi boldular,
açlar bolsa doýdular.
Önelgesiz aýal ýedi çaga dogurdy,
köp çagaly aýal perzentsiz galdy.
6 Öldürýänem Rebdir,
direldýänem Rebdir.
Ölüler dünýäsine inderýänem,
çykarýanam Rebdir.
7 Gedaý goýýanam, baýadýanam
Rebdir,
peseldýänem, beýgeldýänem
Rebdir.
8 Reb garyby aýak astyndan
göterýär,
mätäji serdarlaryň hataryna
goşýar,
zibilhanadan çykaryp,
Reb ony hezzet tagtynda
oturdýar,
çünki Ýeriň sütünleri Rebbiňkidir,
dünýäni şolaryň üstünde bina
eden Oldur.
9 Wepadarlaryny Öz penasynda
saklar Ol.
Emma betniýetleri zulmatda
ýitirim eder.

---

[a] **1:23** ***Seniň wadaňy*** – käbir golýazmalarda *Öz wadasyny.*
[b] **1:24** ***Üçýaşar öküz*** – käbir golýazmalarda *üç öküz.*

Çünki adam öz güýji bilen
mäkäm däl.
10 Parçalanjakdyr Rebbiň garşysyna
çykanlar.
Olaryň garşysyna Gökde Ol
nagra dartar.
Zeminiň çar künjünde Reb
höküm eder.
Ol Öz patyşasyna güýç-kuwwat
berer,
Öz seçip-saýlan patyşasyna
ýeňiş getirer».

11 Soňra Elkana öýüne – Rama dolan-
dy. Şamuwel bolsa Rebbe gulluk etmek
üçin, Eliý ruhanynyň ýanynda galdy.

### *Eliýiň ýaramaz ogullary*

12 Eliýiň ogullary ruhany bolsalar-da,
ýaramazdylar. Olar Rebbi sylamaýar-
dylar, 13 halkyň öňünde öz ruhanylyk
borçlaryna biperwaý garaýardylar. Kim-
dir biri gurbanlyk berende, Eliýiň
ogullarynyň hyzmatkäri eline üç dişli
çarşak alyp gelerdi-de, 14 ony gazan bolsa
gazana, piti bolsa pitä, taba bolsa taba,
okara bolsa okara sokardy-da, çarşaga
ilenini alyp, ruhana bererdi. Olar sadaka
bermek üçin Şilo gelýän ysraýyllaryň
ählisi babatynda şeýle edýärdiler. 15 Üs-
tesine-de, gurbanlyk malyň ýagy heniz
ýakylmanka, ruhanynyň hyzmatkäri
sadaka berýäniň ýanyna baryp, oňa:
«Ruhana gowurmalyk et ber. Ol seniň
bişen etiňi näme etsin, oňa çig et gerek»
diýerdi. 16 Eger kimdir biri: «Etiň ýagy
ýanýança sabyr et, soň geregiň et bolsun»
diýäýse, onda ol oňa: «Ýok, eti häzir
ber, ýogsam zor bilen alaryn» diýerdi.
17 Şunlukda, Rebbiň huzurynda bularyň
günäsi juda agyrdy. Sebäbi olar Rebbe
niýetlenen sadakany hormatlamaýardy-
lar, ony äsgermeýärdiler.

18 Şamuwel Rebbiň huzurynda hyzmat
edýärdi. Ol nepis zygyr matadan tikilen
efot geýip gezýärdi. 19 Ejesi onuň özüne
laýyk edip don tikip, her ýyl adamsy
bilen bile gurbanlyk bermäge gelende,
ony Şamuwele bererdi. 20 Gaýtjak bolan-
larynda: «Rebbiň hyzmatyna bagyş eden
ogluňyň öwezini dolar ýaly, goý, Reb
saňa şu aýaldan ýene zürýatlar bersin»
diýip, Eliý Elkana hem-de onuň aýaly-
na ak pata bererdi. Soňra olar öýlerine
dolanardylar. 21 Hawa, Hannany Reb
ýene-de ýalkady: Hannanyň üç ogly,
iki gyzy boldy. Şamuwel bolsa Rebbiň
huzurynda ösüp ulalýardy.

22 Eliý juda garrapdy. Öz ogullarynyň
ysraýyllar bilen nähili daraşýandyklary-
ny, olaryň Rebbe ýüz tutulýan çadyryň
gapysynda hyzmat edýän aýallar bilen
ýatýandyklaryny ol eşitdi. 23 Ol ogulla-
ryna şeýle diýdi: «Bu näme etdigiňiz
boldy? Tutuş halk siziň ýaramaz işleriňiz
hakynda gürrüň edýär. 24 Beýtmäňiz
bolanok, ogullarym! Rebbiň halkyn-
dan meniň eşidýän habarym gowy däl.
25 Eger adam adamyň garşysyna günä
etse, Hudaý olara aralykçy bolar. Em-
ma adam Rebbiň garşysyna günä etse,
onda ony kim gorar?» Emma Eliýiň
ogullary öz kakasynyň sözüne gulak
asmadylar, çünki Reb olary öldürmegi
ýüregine düwüpdi. 26 Ýaşajyk Şamuwel
bolsa Rebbiň we adamlaryň söýgüsini
gazanyp, ýaş babatda-da, pähim-paýhas
babatda-da gününi sanap ösýärdi.

### *Eliýiň maşgalasyna garşy pygamberlik*

27 Bir gün bir pygamber Eliýä şeýle
habar getirdi: «Hawa, Reb saňa şeýle
diýýär: „Ata-babaň Harun we onuň
maşgalasy Müsürde faraonyň gullary
bolan wagtlary, Men Haruna Özümiň

gudratymy görkezipdim. 28 Meniň ruha-
nym bolup, gurbanlyk sypamyň üstüne
çykyp, ýakymly ysly tütetgi ýakyp,
Meniň huzurymda efot geýer ýaly, Ys-
raýylyň ähli tireleriniň içinden Men
ony saýladym. Ysraýyllar tarapyndan
berlen ýakma gurbanlyklaryndan paý
almaga diňe seniň atańyň nesline rug-
sat berdim. 29 Indi näme üçin siz Meniň
buýran gurbanlyklaryma we sadakala-
ryma göz dikýärsiňiz? Näme üçin sen,
Eliý, halkym Ysraýylyň sadakalarynyň
iň saýlama ýerleri bilen özüňizi sem-
retjek bolup, öz ogullaryňy Menden
artyk hormatlaýarsyň?“ 30 Şonuň üçin
hem Ysraýyl Hudaýy Reb şuny aýd-
ýar: „Seniň öz nesliň-de, ata-babaňyň
nesli-de hemişelik Meniň huzurymda
gezer diýip, Men öň söz beripdim. Em-
ma indi Men-Reb muny aýdýandyryn:
gaýtmyşym bolsun, çünki Men Özümi
sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa
ryswa ederin. 31 Şunlukda, siziň we siziň
ata-babalaryňyzyň ganatyny gyrjak gün-
lerim uzakda däl – sizden doglanlaryň
hiç birine uzak ömür miýesser etmez.
32 Ysraýyla ediljek ýagşylyklara görip-
çilik bilen seredersiňiz. Siziň nesliňiz
hiç wagt uzak ömür sürmez. 33 Araňyzda
gurbanlyk sypamdan mahrum edilme-
dik diňe bir adamy diri galdyraryn; ol
hem sizi aglamakdan gözleriňizi kör,
bagryňyzy gan eder. Tutuş erkek nes-
liňiz juwanlykda öler. 34 Seniň iki ogluň
Hopny bilen Pinehasyň başyna düşjek
iş – olaryň ikisiniň-de bir günde ölme-
gi saňa bir alamat bolar. 35 Men Özüme
göwnümden turjak we pisindim oturjak
işleri etjek wepadar bir ruhany saýlaryn.
Men onuň neslini ebedileşdirerin, ol
ömürbaky Meniň seçip-saýlan patyşa-
myň huzurynda gezer. 36 Hawa, seniň
aman galanlaryň: ‘Bir döwüm çörek
taparym ýaly, maňa Öz ruhanylaryňyň
arasyndan iş ber’ diýip, gara şaý ýa-da
bir döwüm çörek üçin dyza çöküp, oňa
ýalbararlar“».

## 3-nji bap

### *Reb Şamuwele görünýär*

1 Ýetginjek Şamuwel Eliýiň ýanyn-
da Rebbiň huzurynda hyzmat edýärdi.
Ol günler Rebbiň sözi seýrek gelerdi,
Rebden gelýän ylhamlar azdy. 2 Şeýle
günleriň birinde çöňňeren gözleri bilen
oňly saýgarmaýan Eliý öz düşeginde
ýatyrdy. 3 Şamuwel hem Hudaýyň san-
dygynyň saklanýan ýeri bolan Rebbiň
ybadathanasynda ýatyrdy. Hudaýyň
çyrasy heniz sönmändi. 4-5 Birden Reb:
«Şamuwel! Şamuwel!» diýip, ony ça-
gyrdy. Şamuwel: «Lepbeý!» diýip
seslendi-de, Eliýiň ýanyna ylgady. Ol
baryp: «Ine, men geldim» diýdi. Emma
Eliý oňa: «Men seni çagyramok ahyryn,
bar, ýatyber» diýdi. Şamuwel gidip ýatdy.

6 Reb: «Şamuwel!» diýip, ony ýene
çagyrdy. Şamuwel ýene turdy-da, Eliýiň
ýanyna baryp, oňa: «Ine, men geldim»
diýdi. Emma Eliý oňa ýene: «Men seni
çagyramok ahyryn, oglum, bar, ýatyber»
diýdi. 7 Şamuwel heniz Rebbi ýakyndan
tanamaýardy, Rebbiň sözi Şamuwele
entek aýan bolmandy.

8 Reb Şamuweli üçünji gezek çagyrdy.
Ol ýene-de turdy-da, Eliýiň ýanyna baryp,
oňa: «Ine, men geldim» diýdi. Şondan
soň oglany Rebbiň çagyrýandygyna Eliý
düşündi. 9 Şoňa görä Eliý Şamuwele: «Bar,
ýatyber. Eger Ol seni ýene çagyraýsa,
Oňa: „Ýa Reb, aýdyber, guluň diňleýär“
diýip jogap berersiň» diýdi. Şamuwel ýe-
ne-de baryp, öz ýerinde ýatdy.

10 Reb gelip, ol ýerde durdy we: «Şa-
muwel! Şamuwel!» diýip, ýene öňküleri

ýaly ony çagyrdy. Şamuwel: «Ýa Reb,
aýdyber, guluň diňleýär» diýip jogap
berdi. 11 Reb Şamuwele şeýle diýdi: «Ha-
wa, Ysraýylda eşideniň inini titretjek bir
iş ederin. 12 Eliýiň nesline garşy aýdan-
larymyň ählisini şol gün berjaý ederin.
13 Onuň neslini ebedilik jezalandyrjak-
dygymy Men oňa aýdypdym. Çünki ol
ogullarynyň Maňa dil ýetirendiklerini
bilip hem, olary bu işden saklamady.
14 Şoňa görä Eliýiň maşgalasynyň günäsi
gurbanlyk bilen-de, sadaka bilen-de hiç
wagt ýuwulmaz diýip, Men onuň nesline
garşy ant içdim».
15 Şamuwel daň atýança ýatdy. Soňra
turup, Rebbiň öýüniň gapylaryny açdy.
Şamuwel bu gören görnüşini Eliýä duý-
durmakdan gorkýardy. 16 Emma Eliý:
«Şamuwel, oglum» diýip, ony ýanyna ça-
gyrdy. Şamuwel: «Ine, men geldim» diýip
jogap berdi. 17 Eliý Şamuwele: «Ol saňa
näme diýdi? Menden ýaşyrma. Onuň aý-
danlarynyň ýekejesini menden gizläýseň,
goý, Hudaý saňa-da şony, hatda ondan-da
beterini görkezsin» diýdi. 18 Şondan soň
Şamuwel hiç zady gizlemän, hemmesini
bolşy ýaly Eliýä gürrüň berdi. Eliý: «Ol
Rebdir, goý, Ol Öz halanyny etsin» diýdi.
19 Şamuwel ulalýardy. Onuň aýdan-
larynyň ählisi hakykat ýüzünde berjaý
bolýardy, çünki Reb onuň bilendi. 20 Şamu-
weliň Rebbiň ynamdar pygamberidigini
Dandan Beýerşeba çenli bütin Ysraýyl
bildi. 21 Reb sözi arkaly Özüni Şamuwele
Şiloda aýan edenden soň, Ol ýene-de şol
ýerde görünmegini dowam etdirdi.

### 4-nji bap

1 Şamuweliň sözi tutuş Ysraýyla ýetdi.

### *Äht sandygy elden gidýär*

Şonda ysraýyllar piliştlilere garşy
baş göterdiler. Ysraýyllar Ebenezerde,
piliştliler bolsa Apekde düşelge gurdular.
2 Piliştliler ysraýyllaryň garşysyna sö-
weşmek üçin, hatara düzüldiler. Söweş
ýaýbaňlanyp, ysraýyllar piliştlilerden
ýeňildiler. Piliştliler söweş meýdanynda
olaryň dört müň çemesi adamyny öldür-
diler. 3 Goşun düşelgä gaýdyp gelende,
Ysraýylyň ýaşululary şeýle diýdiler:
«Näme üçin Reb bizi piliştliler bilen
söweşde ýeňlişe sezewar etdikä? Geliň,
Rebbiň Äht sandygyny Şilodan şu ýere
alyp geleliň. Goý, ol biziň aramyzda bo-
lup, bizi duşmanyň elinden halas etsin».
4 Olar Şilo birnäçe adam iberip, kerupla-
ryň ýokarsynda tagt guran Hökmürowan
Rebbiň Äht sandygyny getirdiler. Eliýiň
ogullary Hopny bilen Pinehas hem Hu-
daýyň Äht sandygynyň ýanyndadylar.
5 Rebbiň Äht sandygy düşelgä getirilende,
ähli ysraýyllar şeýle bir gygyryşdylar
welin, olaryň gykylygyndan ýaňa hat-
da ýer sarsdy. 6-7 Piliştliler bu gykylygy
eşidip: «Ýewreýleriň düşelgesindäki bu
gykylyk nämäniň alamatyka?» diýşip
geňirgenişdiler. Ysraýyllaryň düşelge-
sine Rebbiň sandygynyň getirilendigini
bilenlerinde bolsa, olar gorkup, şeýle
diýdiler: «Olaryň düşelgesine hudaýlar
gelipdir. Dat biziň günümize! Bu öň
görlüp-eşidilen zat däl ahyryn. 8 Dat
biziň günümize! Bu kuwwatly hudaý-
laryň elinden kim bizi halas edip biler?
Her hili bela-beterler bilen bular çöl-
de müsürlilere göz görkezen hudaýlar
ahyryn. 9 Eý, piliştliler, ýewreýleriň öz
gapyňyzda gul boluşlary ýaly, siziň
hem olaryň gapysynda gul bolasyňyz
gelmeýän bolsa, gaýrata galyň, mert
boluň! Olar bilen mert durup söweşiň!»
10 Şondan soň piliştliler hüjüme geçdi-
ler. Ysraýyllar ýeňlip, dyr-pytrak bolup,
öýli-öýüne gaçdylar. Uly gyrgynçylyk
boldy, ysraýyllaryň otuz müň pyýada

esgerini öldürdiler. 11 Hudaýyň sandygy
elden gitdi, Eliýiň ogullary Hopny bilen
Pinehas hem öldürildi. 12 Benýaminler-
den biri gaçyp, söweş meýdanyndan
çykdy we şol günüň özünde Şilo geldi.
Ol ýakasyny ýyrtyp, başyndan gum
sowrupdy. 13 Ol gelende, Eliý ýoluň ug-
rundaky kürsüsinde gözlerini zordan
ýola dikip otyrdy, çünki Hudaýyň san-
dygynyň alnyp gidilmegi onuň ýüregini
elendirýärdi. Ýaňky adam gala girip,
bolan wakany habar berende, tutuş gala
eňredi. 14 Eliý bu zenzeläni eşidip: «Bu
galmagal nämekä?» diýdi. Ol adam gys-
sanmaç gelip, Eliýi habardar etdi. 15 (Şol
wagt Eliý togsan sekiz ýaşyndady, onuň
çöňňelen gözleri oňly saýgarmaýar-
dy.) 16 Ýaňky adam Eliýä: «Men söweş
meýdanyndan gelýärin. Men ol ýerden
şu gün gaçyp gaýtdym» diýdi. «Näme
boldy, oglum?» diýip, Eliý ondan sora-
dy. 17 «Ysraýyl piliştlilerden gaçdy, halk
gyryldy, ogullaryň Hopny bilen Pinehas
duşman elinden öldi, Hudaýyň sandygy
elden gitdi» diýip, habar getiren adam
jogap berdi. 18 Hudaýyň sandygy agza-
lan badyna, Eliý oturan kürsüsinden çiň
arkanlygyna derweze tarapa agyp gaýt-
dy. Ol garry hem agyr göwre bolansoň,
boýny omrulyp jan berdi. Ol Ysraýyla
kyrk ýyllap serdarlyk etdi. 19 Onuň gel-
ni – Pinehasyň aýaly aýy-güni ýetik
göwrelidi. Hudaýyň sandygynyň elden
gidendigi, gaýynatasydyr adamsynyň-da
ölendigi baradaky habary eşidende, ol
göwresindäki çagany dogurdy, emma
ol burgy agyrysyna döz gelip bilmedi.
20 Ol demini sanap ýatyrka, ýanyndaky
aýallar oňa: «Gorkma, ogluň boldy»
diýdiler. Emma ol bulara ne üns berdi,
ne-de jogap. 21 Hudaýyň sandygy elden
gidensoň, gaýynatasydyr adamsy-da
ölensoň, «Ysraýyldan şöhrat gitdi» diýip,
ol oglunyň adyna Ikabot[a] dakdy. 22 Ol:
«Ysraýyldan şöhrat gitdi, çünki Hudaýyň
sandygy elden gitdi» diýdi.

## 5-nji bap

### *Äht sandygy piliştlileriň elinde*

1 Hudaýyň sandygyny ele salanlaryn-
dan soň, piliştliler ony Ebenezerden
Aşdoda getirdiler. 2 Soňra piliştliler Hu-
daýyň sandygyny Dagon buthanasyna
salyp, ony Dagon butunyň ýanynda
goýdular. 3 Aşdotlylar ertesi irden turup
görseler, Dagon buty Rebbiň sandygynyň
öňünde ýüzin düşüp ýatan eken. Olar
buty galdyryp, ýene öz ýerinde oturt-
dylar. 4 Olar ertesi irden turup görseler,
Dagon buty ýene Rebbiň sandygynyň
öňünde ýüzin düşüp ýatan eken. Bu sapar
Dagonyň kellesi hem-de iki eli döwlüp,
bosagada ýatyrdy, onuň diňe göwresi
abat galypdy. 5 (Dagon ruhanylarynyň
hem-de Dagonyň Aşdotdaky buthana-
syna gelýänleriň häli-häzire çenli-de
buthananyň bosagasyny basmazlyklary
şondan galdy.)
6 Reb aşdotlylary we Aşdodyň çäkle-
rinde ýaşaýan halky agyr jezalandyrdy,
olary gorkuzdy; endamlaryna çykuw
çykaryp, olary howsala saldy we baş-
laryndan aýylganç külpet inderdi.
7 Aşdotlylar bolan wakany görüp: «Ys-
raýyl Hudaýynyň sandygyny bu ýerde
mundan artyk saklamalyň, çünki Ol
bize-de, hudaýymyz Dagona-da juda
ýowuzlyk bilen göz görkezýär» diýdi-
ler. 8 Şeýlelikde, olar çaparlar gönderip,
ähli piliştli hanlary ýygnadylar we:
«Ysraýyl Hudaýynyň sandygyny näme

[a] **4:21** ***Ikabot*** – bu söz *şöhrat gitdi* diýmegi aňladýar.

etsekkäk?!» diýip, olara sala saldylar.
Olar: «Sandyk Gat galasyna äkidilsin»
diýdiler. Şeýdip, olar Ysraýyl Hudaýy-
nyň sandygyny Gat galasyna getirdiler.
9 Emma olar ony bu ýere getirenlerinden
soň, Reb bu gala hem göz görkezdi,
galany aýylganç howsala gaplap aldy.
Galanyň ilatynyň uludan-kiçä ählisiniň
endamyna çykuw çykaryp, Reb olary
ýowuzlyk bilen jezalandyrdy. 10 Şondan
soň olar Ysraýyl Hudaýynyň sandygyny
Ekrona iberdiler. Emma Hudaýyň san-
dygy Ekrona getirilende, bu ýeriň halky:
«Ysraýyl Hudaýynyň sandygyny özümi-
zi-de, halkymyzy-da gyrgyna bermek
üçin getirdiler-eý!» diýip bagyryşdylar.
11 Şol sebäpden, olar çaparlar gönderip,
ähli piliştli hanlary ýygnadylar we: «Ys-
raýyl Hudaýynyň sandygyny bu ýerden
çykaryp, öz ýerine ibereliň, goý, ol bizi
hem, halkymyzy hem heläk etmesin»
diýdiler. Sebäbi tutuş galany aýylganç
howsala gaplap alypdy. Reb olary juda
agyr jezalandyrdy. 12 Aman galanlara
çykuw çykdy. Galanyň ilatynyň ahy-
nalasy asmana göterildi.

## 6-njy bap

### *Äht sandygy gaýdyp gelýär*

1 Rebbiň sandygy ýedi aýlap pilişt-
leriň ýurdunda boldy. 2 Şondan soň
piliştliler ruhanylardyr palçylary ça-
gyryp, olara: «Rebbiň sandygyny näme
etsekkäk? Ony öz mekanyna nähili gaý-
tarmalydygyny bize aýdyň» diýdiler.
3 Olar: «Eger siz Ysraýyl Hudaýynyň
sandygyny yzyna gaýtarmakçy bolsaňyz,
onda ony boş goýbermäň, Hudaýa ýazyk
gurbanlygyny beriň. Şonda siz beladan
gutularsyňyz we Onuň näme sebäpden
özüňizi yzyny üzmän jezalandyrandygy-
na göz ýetirersiňiz» diýdiler. 4 Piliştliler:
«Biz Oňa nädip ýazyk gurbanlygyny
bermeli?» diýip, olardan soradylar. Olar
şeýle jogap berdiler: «Piliştli hanlaryň
sanyna görä bäş sany çykuwyň, bäş sa-
ny-da syçanyň altyndan şekilini ýasaň.
Çünki bu bela siziň özüňize-de, hanla-
ryňyza-da deň derejede degişlidir. 5 Şoňa
görä endamyňyza çykan çykuwlaryň
hem-de ýurduňyza gyrgynçylyk getiren
syçanlaryň altyndan şekillerini ýasap,
Ysraýylyň Hudaýyny şöhratlandyryň;
şeýtseňiz, belki, Hudaý sizden, siziň hu-
daýlaryňyzdan we ýurduňyzdan el çeker.
6 Näme üçin siz müsürlileriň we faraonyň
edişi ýaly doňýüreklik edýärsiňiz? Tä
ysraýyllara Müsürden çykmaga ygtyýar
berýänçäler, olaryň nähili aňkasyny
aşyrandygyny ýadyňyzdan çykarmaň.
7 Indi täze araba hem-de heniz boýunty-
ryk salynmadyk iki sany sagynlyk sygyr
tapyň-da, olary araba goşuň. Sygyrlaryň
gölelerini bolsa, olaryň ýanyndan aýryp,
dölede saklaň. 8 Rebbiň sandygyny şol
arabada ýerleşdiriň; ýazyk gurbanlygy
hökmünde Rebbe iberýän altyn şekille-
riňizi hem guta salyp, onuň gapdalynda
goýuň. Soňra ony ýola salyň, goý, ol öz
ugruna gitsin. 9 Ýöne oňa gözegçilik ediň.
Eger ol öz mekanyna barýan ýol bilen –
Beýtşemeşiň ýoly bilen gitse, onda bu
aýylganç betbagtçylygy biziň başymyza
Rebbiň saldygydyr, emma ol şol ýoldan
gitmese, onda bu işde Onuň eliniň ýok-
lugydyr, munuň tötänlik boldugydyr».
10 Adamlar aýdylyşy ýaly etdiler: iki
sany sagynlyk sygyr tapyp, olary araba
goşdular. Olaryň gölelerini bolsa dölä
gabap goýdular. 11 Rebbiň sandygyny
hem-de altyndan ýasalan syçandyr çy-
kuw şekilleri salnan gutyny piliştliler
araba ýüklediler. 12 Sygyrlar saga-so-
la sowuljak bolman, göni Beýtşemeşe
barýan uly ýol bilen molaşyp gitdiler.

Tä Beýtşemeşiň araçägine çenli piliştli
hanlar olaryň yzyndan galmadylar. [13] Şol
wagt beýtşemeşliler jülgede bugdaý
orup ýördüler. Rebbiň sandygyna gözleri
düşende, olar begendiler. [14] Beýtşemeşli
Ýeşuwanyň ekin meýdanyndaky ulla-
kan daşyň ýanynda araba togtady. Olar
arabanyň agaçlaryny döwüşdirip, odun
etdiler-de, sygyrlary soýup, Rebbe ýak-
ma gurbanlyk berdiler. [15] Lewiler Rebbiň
sandygyny hem-de onuň ýanyndaky
altyn şekiller salnan gutyny arabadan
düşürip, şol ullakan daşyň üstünde goý-
dular. Şol gün beýtşemeşliler Rebbe
ýakma we beýleki gurbanlyklary ber-
diler. [16] Piliştlileriň bäş hany bu wakany
gözi bilen gördi. Olar şol gün Ekrona
dolanyp geldiler.

[17] Piliştlileriň Rebbe ýazyk gurbanly-
gy hökmünde iberen altyndan ýasalan
çykuw şekilleriniň biri Aşdot üçin, biri
Gaza üçin, biri Aşkelon üçin, biri Gat
üçin, ýene biri bolsa Ekron galalary üçin-
dir. [18] Altyndan ýasalan syçan şekilleri
bolsa piliştlileriň bäş hany tarapyndan
dolandyrylýan berk galalaryň we olaryň
töweregindäki obalarynyň sanyna görä
iberildi. Üstünde Rebbiň sandygy goýlan
ullakan daş beýtşemeşli Ýeşuwanyň ekin
meýdanynda şu güne çenli dur.

[19] Äht sandygynyň içine seredendik-
leri üçin, Reb beýtşemeşlileri öldürdi.
Halkyň içinden Ol ýetmiş adamy [a] öl-
dürdi. Halk matam tutdy, çünki halky
Reb gyrypdy.

[20] Beýtşemeşliler: «Rebbiň, ýagny bu
mukaddes Hudaýyň öňünde durup bil-
jek barmy näme?! Ol bizden el çeker
ýaly, biz sandygy kime ýollasakkak?»
diýişdiler. [21] Soňra: «Piliştliler Rebbiň
sandygyny yzyna iberipdirler. Geliň-de,
ony alyp gidiň» diýen habar bilen olar
Kirýatýegaryma çapar gönderdiler.

### 7-nji bap

[1] Şondan soň kirýatýegarymlylar gelip,
Rebbiň sandygyny alyp gitdiler. Olar ony
depäniň üstünde ýaşaýan Abynadabyň
öýüne getirdiler we onuň ogly Elgazary
Rebbiň sandygyna gözegçilik etmäge
bagyş etdiler.

### *Şamuwel Ysraýyla serdarlyk edýär*

[2] Sandyk uzak wagtlap – ýigrimi ýyla
golaý Kirýatýegarymda galdy. Şol ara-
da tutuş ysraýyl halky Rebbe nalyş etdi.
[3] Ahyry bir gün Şamuwel tutuş Ysraýyl
nesline ýüzlenip, şeýle diýdi: «Eger siz
bütin kalbyňyz bilen Rebbe dolanmakçy
bolsaňyz, onda Aştoret we beýleki keseki
hudaýlaryňyzdan geçiň, özüňizi Rebbe
bütinleý bagyş ediň we diňe Oňa gulluk
ediň. Şeýtseňiz, Ol sizi piliştlileriň elin-
den halas eder». [4] Şondan soň ysraýyllar
Bagal we Aştoret butlaryny terk edip,
diňe Rebbe gulluk etdiler.

[5] Şamuwel olara: «Hemmäňiz Mispa-
da ýygnanyşyň, men ol ýerde siz üçin
Rebbe dileg etjek» diýdi. [6] Olar Mispada
ýygnanyşdylar. Olar guýudan suw çekip,
ony Rebbiň huzurynda ýere döküp: «Biz
Rebbiň öňünde günä gazandyk» diýip,
şol gün agyz beklediler. Şeýdip, Şamu-
wel Mispada ysraýyllara serdar boldy.

[7] Ysraýyllaryň Mispada toplanyşandy-
gyny eşiden piliştli hanlar olara garşy
baş göterdiler. Ysraýyllar muny eşidip,
howsala düşdüler. [8] Olar Şamuwele: «Hu-
daýymyz Rebbe biz üçin dileg etmäňi
goýma, Ol bizi piliştlileriň elinden ha-
las etsin» diýip ýüzlendiler. [9] Şamuwel
heniz otukmadyk bir guzyny Rebbe

---

[a] **6:19** ***Ýetmiş adamy*** – käbir golýazmalarda *elli müň ýetmiş adamy.*

başbütin ýakma gurbanlyk berdi. Soň
ol Ysraýyl üçin Rebbe perýat etdi; Reb
oňa seslendi. 10 Şamuweliň Rebbe ýakma
gurbanlyk berýän wagty, ysraýyllaryň
üstüne çozmak üçin, piliştliler olaryň
alkymyna geldiler. Emma Reb ol gün
güňleç ses edip, piliştlileri aljyraňňylyga
saldy; olar ysraýyllardan ýeňlip gaçdylar.
11 Ysraýyllar Mispadan çykyp, pilişt-
lileri Beýtkaryň etegine çenli kowalap,
olary gyrdylar. 12 Şamuwel bir daşy alyp,
ony Mispa bilen Şeniň arasynda dikeldip
goýdy we «Reb bize şu güne çenli ýar-
dam etdi» diýip, ol şol ýeri Ebenezer[a]
diýip atlandyrdy.
13 Şeýlelikde, piliştliler boýun egdiril-
di we şondan soň gaýdyp olar ysraýyl
topragyna aýak sekmediler. Tä Şamu-
wel dünýäden ötýänçä, Rebbiň goly
piliştlileriň garşysyna boldy. 14 Piliştliler
ysraýyllardan basyp alan galalary-
ny – Ekrondan Gata çenli aralykdaky
galalaryň ählisini yzyna gaýtaryp berdi-
ler. Ysraýyllar öz topragyny piliştlilerden
azat etdiler. Ysraýyl bilen amorlaryň
arasynda asuda durmuş berkarar boldy.
15 Şamuwel ömri ötýänçä, Ysraýyla
serdar boldy. 16 Ol ýylyň ýylyna Beýtele,
Gilgala, Mispa aýlanyp, şol ýerlerde Ys-
raýyly dolandyrardy. 17 Ol soňra özüniň
Ramadaky öýüne gaýdyp, şol ýerden
hem Ysraýyla serdarlyk etdi. Ol Ramada
Rebbe gurbanlyk sypasyny gurdy.

## 8-nji bap

### *Halk patyşa isleýär*

1 Şamuwel garrap, ýaşy birçene ba-
ransoň, öz ogullaryny Ysraýyla serdar
goýdy. 2 Onuň uly oglunyň ady Ýowel,
kiçisiniň ady bolsa Abyýady. Olar
Beýerşebanyň serdarydylar. 3 Şamu-
weliň ogullary öz kakasynyň ýolundan
gitmediler; gaýtam, diňe baýamagyň
gamyny iýdiler, para aldylar, adalatdan
ýüz döndürdiler.
4-5 Ysraýylyň ähli ýaşululary ýygnanyş-
dylar we Ramada oturýan Şamuweliň
ýanyna baryp: «Indi seniň-ä ýaşyň bir-
çene bardy, ogullaryň bolsa seniň yzyňy
tutmadylar. Şoňa görä, beýleki milletler-
de bolşy deý, üstümizden hökümdarlyk
eder ýaly, bize-de bir patyşa belle» diýip,
oňa ýüz tutdular.
6 Ysraýyl ýaşulularynyň: «Bize hö-
kümdarlyk eder ýaly patyşa belle» diýen
sözi Şamuwele ýaramady. Şamuwel
Rebbe dileg etdi. 7 Reb Şamuwele şeýle
seslendi: «Halkyň sözüni soňuna çenli
diňle. Çünki olar seni däl-de, Meniň
özleriniň patyşasy bolmagymy inkär
etdiler. 8 Özlerini Müsürden alyp çykan
günümden bäri olar Menden ýüz öwrüp,
keseki hudaýlara ybadat edip gelýärler.
Indi olar sen babatda hem şeýle etmegiň
kül-külüne düşüpdirler. 9 Sen indi olara
gulak as, ýöne öz üstlerinden höküm sür-
jek patyşanyň ýöretjek düzgünlerinden
olary mazaly habardar et».
10 Şamuwel Rebbiň sözlerini özünden
patyşa talap edenleriň dykgatyna ýetirdi.
11 Ol bulara şeýle diýdi: «Siziň üstüňiz-
den höküm sürjek patyşa ogullaryňyzy
goşunda gulluk etmäge mejbur eder: ola-
ryň käbirleri söweş arabalarynyň sürer,
käbirleri bolsa şanyň söweş arabalaryň
öňünden ylgar. 12 Ol özi üçin müňbaşy-
lar we ellibaşylar bellär. Kimsine öz
ýerlerini agdardar, hasylyny ýygnadar,
kimsine bolsa, uruş enjamlaryny we
öz söweş arabalarynyň şaýlaryny ýasa-
dar. 13 Gyzlaryňyzy alyp, atyr ýasadar,

[a] **7:12** ***Ebenezer*** – bu söz *ýardam daşy* diýmegi aňladýar.

aşpez eder, çörek bişirder. [14] Şa siziň iň
saýlama ýerleriňizi, üzümçilikleriňi-
zi, zeýtun baglaryňyzy eliňizden alyp,
öz hyzmatkärlerine berer. [15] Öz goşun-
başylarydyr hyzmatkärlerine bermek
üçin, galla hem-de üzüm hasylyňyzyň
ondan bir bölegini eliňizden alar. [16] Ol
sizi gul-gyrnaksyz goýar, iň saýlama
mal-garalaryňyzy [a] we eşekleriňizi alyp,
olary öz hajatlary üçin ulanar. [17] Dowar-
laryňyzyň-da ondan birini alar, özüňiz
bolsa onuň guluna öwrülersiňiz. [18] Şonda
siz öz saýlap-seçen patyşaňyzyň elinden
dady-perýat edersiňiz. Emma ol gün
Reb siziň dadyňyza ýetişmez».

[19] Barybir halk Şamuweliň sözüne
gulak asmady. Olar: «Ýok! Bizde pa-
tyşa bolsun! [20] Şeýdip, biz hem beýleki
milletlere meňzäris. Biziň üstümizden
patyşamyz hökmürowanlyk eder, öňü-
mize düşer, uruşlarymyzda bize baş
bolar» diýdiler. [21] Şamuwel halkyň ähli
aýdanyny diňledi we eşidenlerini Reb-
biň dykgatyna ýetirdi. [22] Reb Şamuwele:
«Diýenlerini et-de, olara bir patyşa belle»
diýdi. Şamuwel ysraýyllara: «Baryň, her
kim öz galasyna gaýtsyn» diýdi.

## 9-njy bap

### *Şawul Şamuwele duşýar*

[1] Benýamin tiresinden Kiş atly bir baý
adam bardy. Ol Abyýeliň ogly, Seroryň
agtygy, Bekoradyň çowlugy, Apyýanyň
ýuwlugydy. [2] Onuň Şawul atly ýaş hem
görmegeý bir ogly bardy. Ysraýylda boý-
-syrat babatda oňa taý ýokdy; beýlekiler
onuň egnindendi. [3] Bir gün Şawulyň ka-
kasy Kiş öz urkaçy eşeklerini ýitirdi. Ol
Şawula: «Hyzmatkärlerden birini ýany-
ňa al-da, eşekleriň gözlegine çyk» diýdi.
[4] Olar Efraýym daglygynyň we Şalyşa
topragynyň içinden geçdiler, ýöne olar
eşekleri tapmadylar. Soňra olar Şaga-
lym topragynyň içinden geçdiler, ýöne
ol ýerden hem eşekler tapylmady. On-
soň olar benýamin topragynyň içinden
geçdiler, ýöne eşeklerden derek tapyp
bilmediler. [5] Olar Sup topragyna ýetenle-
rinde, Şawul ýanyndaky hyzmatkärine:
«Yzymyza gaýdaly, ýogsam, kakam eşek-
lere derek bizi gaýgy edip başlar» diýdi.
[6] Hyzmatkär oňa şeýle jogap berdi: «Ine,
şu galada sylag-hormatly bir Hudaýyň
adamy bar. Onuň aýdany hemişe dogry
bolup çykýar. Ýör, şonuň ýanyna gideli.
Belki, ol bize gitmeli ýolumyzy salgy be-
rer». [7] Şawul hyzmatkärine: «Eger gitsek,
oňa näme äkideris? Torbalarymyzdaky
çöreklerem-ä tükendi. Hudaýyň ada-
myna äkider ýaly bizde hiç hili sowgat
ýok ahyryn. Hany, bizde näme bar?»
diýdi. [8] Hyzmatkär Şawula ýene: «Ine,
mende bir kiçi kümüş teňňe bar. Men
ony Hudaýyň adamyna bererin, ol bize
ýol görkezer» diýdi. [9] (Öňler Ysraýylda
Hudaýdan sorap görmäge gidenlerinde,
«Ýör, görgüriň ýanyna gideli» diýer
ekenler, çünki häzirki pygambere öňler
görgür diýipdirler.) [10] Şawul hyzmatkäre:
«Gowy pikir, bolýar, ýör gideli» diýdi.
Şeýdip, olar Hudaýyň adamynyň ýaşa-
ýan galasyna gitdiler. [11] Ýokarlygyna
gala çykyp barýarkalar, olaryň öňünden
suwa barýan gelin-gyzlar çykdy. Ol ikisi
bulardan: «Görgür şu ýerdemi?» diýip
soradylar. [12] Olar şeýle jogap berdiler:
«Hawa, hanha, öňüňizden barýar. Eg-
lenmäň. Onuň gala gelip durşy, sebäbi
depelikdäki seždegähde bu gün halk
gurbanlyk berýär. [13] Nahar iýmek üçin,
seždegähe çykmanka, edil gala giren

[a] **8:16** ***Mal-garalaryňyzy*** – käbir golýazmalarda *ýaş ýigitleriňizi.*

ýeriňizde siz ony tapyp bilersiňiz. Çünki
ol baryp, tä gurbanlyga pata berýänçä,
adamlar nahar iýmezler. Ol barandan
soň, çagyrylanlar nahary öňlerine alarlar.
Indi haýal etmän ýokary çyksaňyz, siz
ony taparsyňyz». 14 Olar ýokarlygyna ga-
la tarap gitdiler. Gala girip barýarkalar,
seždegähe çykýan ýol bilen olara tarap
Şamuwel ýöräp gelýärdi.
15 Şawul gelmezinden bir gün öň Reb
Şamuwele şeýle diýipdi: 16 «Ertir şu
wagtlar Men seniň ýanyňa benýamin
topragyndan bir adam ibererin. Sen onuň
başyna ýag guýup, ony Meniň halkym
Ysraýyla hökümdar bellärsiň. Ol Me-
niň halkymy piliştlileriň elinden halas
eder. Halkymyň ejir çekýändigini Men
gördüm, çünki olaryň ahy-nalasy Maňa
ýetdi». 17 Şamuwel Şawuly görende, Reb
oňa: «Ine, Meniň saňa aýdan adamym
şu. Meniň halkyma baştutanlyk etjek
şoldur» diýdi. 18 Şondan soň derwezäniň
agzynda Şawul Şamuweliň golaýragyna
gelip: «Aýtsaňyzlaň, görgüriň öýi nire-
dekä?» diýip, ondan sorady. 19 Şamuwel
Şawula şeýle jogap berdi: «Görgür men-
dirin. Öňüme düş, seždegähe çykaly, siz
bu gün meniň bilen bile naharlanarsyňyz.
Ertir irden men siziň soraglaryňyza
jogap bererin we sizi öz ýoluňyza ug-
radaryn. 20 Üç gün mundan öň ýiten
eşekleriňizi bolsa alada etmäň, olar
eýýäm tapyldy. Tutuş Ysraýylyň baýlygy
seniňki we ataňyň nesilleriniňki dälmi
eýsem?!» 21 Şawul oňa: «Men Ysraýylyň
iň kiçi tiresi bolan benýamin tiresinden
ahyryn, meniň maşgalamam tirämizde
göze görünýän maşgala däl-ä. Näme üçin
sen maňa beýle zatlary aýdýaň?» diýip
jogap berdi. 22 Soňra Şamuwel Şawul
bilen onuň hyzmatkärini uly bir otaga
alyp bardy we ony çagyrylan otuz tö-
weregi adamyň hemmesiniň üstünden
töre geçirdi. 23 Soňra Şamuwel aşpeze:
«Aýratyn goý diýip buýran paýymy
getir» diýdi. 24 Aşpez bir budy üstüniň
ýagy bilen bile getirip, Şawulyň öňünde
goýdy. Şamuwel Şawula: «Ine, şu paý
seniň üçin goýuldy. Al, iýiber, men
muny ýörite seniň üçin goýdurdym, bu
myhmanlary bolsa seniň bilen bile nahar
iýmäge çagyrdym» diýdi. Şeýdip, ol gün
Şawul Şamuwel bilen bile naharlandy.
25 Olar seždegähden gala gaýdyp ge-
lenlerinden soň, Şamuwel Şawul bilen
üçegiň üstünde gepleşdi.

### *Şamuwel Şawuly hökümdarlyga belleýär*

26 Daň atanda: «Tur, men seni ugrada-
ýyn» diýip, Şamuwel üçegiň üstünde
ýatan Şawula gygyrdy. Şawul turandan
soň, ol ikisi bile ýola çykdy. 27 Olar ga-
lanyň çetine çykanlarynda, Şamuwel
Şawula: «Hyzmatkäriňe aýt, goý, ol
öňümizden ýöräbersin. Sen şu ýerde
biraz aýak çek, men saňa Hudaýyň sö-
züni aýtjak» diýdi.

## 10-njy bap

1 Soňra Şamuwel ýagly küýzäni alyp,
ýagy Şawulyň kellesinden guýdy-da, ony
ogşap, şeýle diýdi: «Öz saýlan halkyna
hökümdar bolmagyň üçin, Reb seni
belledi. 2 Şu gün meniň ýanymdan gi-
deniňden soň, benýamin topragyndaky
Selsada, Raheliň mazarynyň ýanynda
saňa iki sany adam duşar. Olar: „Eşek-
leriňiz tapyldy. Kakaň eşeklerden geçip,
‘Ogluma näme bolduka?’ diýip, seniň
gaýgyňy edip otyr“ diýerler. 3 Soňra
ol ýerden gidersiň we Tabordaky dub
agajynyň ýanyna bararsyň. Ol ýerde
sen biri üç owlak, beýlekisi üç çörek,
ýene biri bolsa bir tulum şerap alyp,
Beýtele, Hudaýyň ýanyna barýan üç

kişä duşarsyň. 4 Olar saňa salam bererler
we bir jübüt çörek hödür ederler; çörek-
leri alarsyň. 5 Ondan gidip, Gibgadaky
Hudaýyň baýryna bararsyň. Ol ýerde
piliştlileriň bir bölek goşuny bardyr.
Gala giren ýeriňde, seždegähden inip
gelýän pygamberler toparyna duşarsyň.
Olar öňlerinde arfa, deprek, tüýdük we
lira çaldyryp, joşup, pygamberlik edip
gelýändirler. 6 Şondan soň Rebbiň Ru-
hy seniň kalbyňy eýelär; sen hem olar
bilen bile joşup, pygamberlik edersiň
we Rebbiň Ruhy seni bütinleý özger-
der. 7 Şol alamatlar ýerine ýetende, sen
göwnüňe gelenini edip bilersiň, çünki
Hudaý saňa ýardyr. 8 Indi menden öň
aşak, Gilgala in. Ýakma we salamatlyk
gurbanlyklaryny bermek üçin, ol ýere
men hem barjak. Ýedi gün garaşanyňdan
soň, ýanyňa baryp, näme etmelidigiňi
aýdaryn». 9 Şawul Şamuweliň ýanyndan
gaýtmak üçin yzyna öwrülende, Hudaý
onuň kalbyny täzeledi. Bu alamatlaryň
hemmesi şol gün ýerine ýetdi. 10 Gibga
galasyna gelenlerinde, olar topar tutup
gelýän pygamberlere duşdular. Şonda
Hudaýyň Ruhy Şawulyň kalbyny eýe-
ledi. Ol pygamberler bilen bile joşup,
pygamberlik etmäge başlady. 11 Ony
öňden tanaýanlar bu ýagdaýy görüp:
«Bu Kişiň ogluna näme bolup ýörkä?
Şawul hem pygamberleriň arasyndamy?»
diýişdiler. 12 Ol ýerdäkileriň biri: «Bu
pygamberleriň atalary kim bolupdyr-
ka?» diýdi. «Şawul hem pygamberleriň
arasyndamy?» diýleni şondan galandyr.
13 Şawul joşup, pygamberlik edip bolan-
dan soň, seždegähe çykdy. 14 Şawulyň
daýysy: «Nirä bardyňyz?» diýip, ondan
we onuň hyzmatkärinden sorady. Şawul:
«Eşekleri agtardyk, ýöne olary tapyp
bilmänimizden soň, Şamuweliň ýanyna
gitdik» diýip jogap berdi. 15 Şawulyň
daýysy: «Ol size näme diýdi?» diýip,
ondan sorady. 16 Şawul daýysyna: «Ol
bize eşekleriň tapylandygyny anyk
aýtdy» diýdi. Ýöne Şamuweliň paty-
şalyk babatda aýdanlaryny ol daýysyna
aýtmady.

### *Şawul patyşa hökmünde ykrar edilýär*

17 Soňra Şamuwel Mispada ysraýyl hal-
kyny Rebbiň huzuryna çagyryp, 18 şeýle
diýdi: «Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär:
„Men Ysraýyly Müsürden çykardym, ony
müsürlileriň we beýleki şalyklaryň pen-
jesinden halas etdim“. 19 Emma bu günki
gün özüňizi zulumdan we jebir-jepadan
alyp çykan Hudaýyňyzy siz ret etdiňiz.
Siz: „Ýok, bize patyşa belle“ diýdiňiz.
Indi tireme-tire, urugma-urug Rebbiň
huzurynda hatara düzüliň». 20 Soňra
Şamuwel ysraýyl tireleriniň ählisini
ýeke-ýekeden öňe çykardy. Olardan
bije boýunça benýamin tiresi saýlanyp
alyndy. 21 Soňra Şamuwel benýamin ti-
resini maşgalama-maşgala öňe çykardy.
Olardan Matrynyň maşgalasynyň bijesi
çykdy. Olardan Kişiň ogly Şawulyň
bijesi çykdy, ýöne olar ony idäp tapyp
bilmediler. 22 Olar: «Ol heniz bu ýere
gelenokmy?» diýip, Rebden soradylar.
Reb: «Ol, ine, ýüküň aňyrsynda gizlen-
di» diýip jogap berdi. 23 Adamlar ony ol
ýerden çykaryp getirdiler. Ol halkyň
öňünde durdy; beýlekiler onuň egnin-
dendi. 24 Şamuwel halka: «Rebbiň saýlan
adamyny görýäňizmi? Aramyzda şuňa
taý geljegimiz ýokdur!» diýdi. Duran-
laryň ähli: «Ýaşasyn patyşa!» diýip
gygyryşdylar. 25 Soňra Şamuwel halka
patyşanyň düzgünlerini we kadalaryny
düşündirdi. Olary kitaba ýazyp, şol ýer-
de, Rebbiň huzurynda goýdy. Şondan soň
Şamuwel adamlary öýli-öýüne ugratdy.

26 Şawul-da Gibgadaky öz öýüne gitdi;
Hudaý tarapyn ýüreklerine mertlik sal-
nan esgerler oňa ýoldaş boldular. 27 Käbir
ýaramaz adamlar bolsa: «Şolmy indi bizi
gorajak?» diýşip, oňa pisint etmediler.
Olar oňa sowgat-serpaý-da etmediler,
ýöne Şawul olara üns bermedi.

### 11-nji bap

*Şawul ammonlary ýeňýär*

1 Ammonlaryň şasy Nahaş aýaga galyp,
Gilgatdaky Ýabeş galasyny gabawa sal-
dy. Ýabeşiň halky Nahaşa: «Biziň bilen
ylalaşyk baglaş, biz saňa gul bolaly»
diýdiler. 2 Ammonlaryň şasy Nahaş olara:
«Men siziň ähliňiziň sag gözüňizi oýup,
sizi tutuş Ysraýyla wejera etmek şerti
bilen ylalaşyk baglaşaryn» diýip jogap
berdi. 3 Ýabeşiň ýaşulular oňa: «Bize
ýedi gün puryja ber; Ysraýylyň ähli ýe-
rine çaparlar göndereli. Eger ol ýerden
bize kömek eder ýaly adam tapylmasa,
onda biz siziň ygtyýaryňyzda» diýdi-
ler. 4 Çaparlar Şawulyň ýaşaýan Gibga
galasyna gelip, ýagdaýy halka habar
berenlerinde, halk möňňürip aglady.
5 Hut şol mahal Şawul örüden öküzle-
rini alyp gelýärdi. Ol: «Näme boldy?
Adamlar nämäniň ýasyny tutýarlar?»
diýip sorady. Ýabeşden gelen çaparlaryň
getiren habaryny oňa aýtdylar. 6 Şawul
ol sözleri eşidende, Hudaýyň Ruhy onuň
kalbyny eýeledi. Şawulyň gaty gahary
geldi. 7 Ol iki sany öküzi soýup, olaryň
etini dograd. Soňra: «Kimde-kim Şa-
wul bilen Şamuweliň yzyna düşmese,
onuň-da öküzleriniň başyna şu öküz-
leriň güni geljekdir» diýen sözler bilen
etleri çaparlar arkaly Ysraýylyň ähli
ýerine iberdi. Onsoň halky Rebbiň haý-
baty gurşap aldy, olar bir adam ýaly
bolup ýygnandylar. 8 Şawul olary Bezege
ýygnady. Ol ýere Ysraýyldan üç ýüz müň
adam, Ýahudadan otuz müň adam top-
landy. 9 Olar Ýabeşden gelen çaparlara:
«Ertir Gün asmana galyberende, halas
boljakdyklaryny Gilgatdaky Ýabeşiň
halkyna aýdyň» diýdiler. Çaparlar gelip,
muny olara habar berenlerinde, ýabeş-
liler begendiler. 10 Ýabeşliler Nahaşa:
«Ertir biz size boýun egeris, siz bize
islän zadyňyzy edip bilersiňiz» diýip
jogap berdiler. 11 Daňyň ümüş-tamşynda
Şawul adamlary üç topara böldi. Daň
agaranda olar ammonlaryň düşelgesine
aralaşdylar we Gün günortan bolýança,
olary ýer bilen ýegsan etdiler. Diri galan-
lar dyr-pytrak bolup gaçdylar. 12 Soňra
adamlar Şamuwele: «„Şawulmy indi
bize patyşa boljak“ diýenler kimler?
Getiriň, biz olary öldürjek» diýdiler.
13 Emma Şawul halka: «Bu gün hiç kim
öldürilmez, çünki bu gün Ysraýyly Reb
halas etdi» diýdi. 14 Soňra Şamuwel ola-
ra: «Ýörüň, Gilgala gideliň-de, ol ýerde
Şawulyň şalygyny täzeden tassyklalyň»
diýdi. 15 Şondan soň tutuş halk Gilgala
gitdi. Ol ýerde olar Rebbiň huzurynda
Şawuly täzeden patyşa diýip yglan et-
diler we Rebbiň huzurynda salamatlyk
gurbanlygyny berdiler; Şawul we ähli
ysraýyllar uly toý tutdular.

### 12-nji bap

*Şamuweliň halka soňky sözi*

1 Soňra Şamuwel tutuş ysraýyl halkyna
şeýle diýip ýüzlendi: «Men siziň ähli
diýeniňize gulak asdym. Size patyşa-
da belledim. 2 Ine, indi size baş bolýan
patyşaňyz hem bar. Men indi garradym,
saç-sakgalym agardy. Ogullarym hem
siziň araňyzda. Men ýaşlygymdan tä şu
güne çenli size baş boldum. 3 Ine, men.
Rebbiň we Onuň seçip-saýlanynyň hu-

zurynda men barada şaýatlyk ediň: heý,
men biriňiziň öküziňizi ýa eşegiňizi
aldymmy? Heý, biriňize al saldymmy
ýa biriňizi ynjytdymmy? Ýa biriňizden
para alyp, onuň etmişine göz ýumdum-
my? Eger şeýle bolsa, meniň garşyma
şaýatlyk ediň, men olary size gaýtaryp
bereýin». 4 Olar: «Sen bize al hem sal-
madyň, bizi ezmediňem, hiç zadymyza
el-de urmadyň» diýdiler. 5 Soňra Şamu-
wel olara: «Menden hiç hili nogsanlyk
tapmandygyňyza bu gün Reb-de, Onuň
seçip-saýlany hem şaýatdyr» diýdi. Halk:
«Hawa, Ol şaýat» diýdi. 6 Şamuwel sö-
züni dowam etdi: «Musany we Haruny
bellän, ata-babalaryňyzy Müsürden alyp
çykan Rebdir. 7 Indi bolsa turuň, men
sizi hem-de ata-babalaryňyzy halas
etmek üçin Rebbiň eden ähli dogry
işleri esasynda Onuň huzurynda sizi
ýazgaraýyn. 8 Ýakup Müsüre giden-
de, müsürliler olary ezdiler[a], şonda
siziň ata-babalaryňyz Rebbe perýat
etdiler. Onsoň Reb Musa bilen Haru-
ny iberip, olary Müsürden alyp çykdy
we şu ýerde ornaşdyrdy. 9 Ýöne siziň
ata-babalaryňyz öz Hudaýyny – Rebbi
unutdylar. Reb olary Hasor galasynyň
şasy Ýabynyň leşgerbaşysy Siseranyň,
piliştlileriň we Mowap şasynyň eline
berdi; olar siziňkilere garşy uruşdylar.
10 Şonda ata-babalaryňyz: „Biz günä
gazandyk. Rebden ýüz öwrüp, Bagal
we Aştoret butlaryna gulluk etdik. Indi
bizi duşmanlarymyzyň elinden al, biz
Saňa gulluk etjek“ diýip, Rebbe perýat
etdiler. 11 Şonda Ýerubagaly, Baragy[b],
Ýeftahy we Şamuweli iberip, Reb sizi
ähli duşmanlaryňyzyň elinden halas et-
di. Şeýdip, siz asuda durmuşa ýetdiňiz.
12 Ammonlaryň şasy Nahaşyň üstüňize
sürnüp gelýändigini göreniňizde bolsa,
öz Hudaýyňyz Rebbiň şalygyndan bo-
ýun gaçyryp, menden özüňize patyşa
talap etdiňiz. 13 Saýlap-seçip, diläp alan
patyşaňyz, ine, dur. Hawa, ony size Reb
berdi. 14 Eger siz Rebden gorkup, Oňa
gulluk etseňiz, Oňa gulak asyp, Reb-
biň buýrugyna garşy baş götermeseňiz,
siz we size hökümdarlyk edýän patyşa
Hudaýyňyz Rebbiň yzyna eýerse, tu-
tan işiňiz oňuna bolar. 15 Emma Rebbe
gulak asman, Onuň buýrugyna garşy
baş göterseňiz welin, ata-babalaryňyza
edişi ýaly, Reb size hem jeza berer. 16 In-
di bolsa duran ýeriňizden gozganman,
Rebbiň gözüňiziň alnynda görkezjek
gudratyna tomaşa ediň. 17 Häzir tomus,
şeýle dälmi! Men Rebbi çagyrjak. Ol
ýagyş ýagdyrar hem-de gögi gümmür-
deder. Şonda özüňize patyşa soramak
bilen Rebbiň öňünde juda pis iş eden-
digiňize siz göz ýetirersiňiz». 18 Soňra
Şamuwel Rebbi çagyrdy; Reb şol gün
ýagyş ýagdyrdy we gögi gümmürdet-
di. Adamlar Rebden we Şamuwelden
juda gorkdular. 19 Olar Şamuwele şeýle
diýdiler: «Öz gullaryňyň aman galma-
gy üçin, Hudaýyň Rebbe dileg et. Biz
şu pis iş, ýagny özümize patyşa talap
etmek bilen öz günämizi has-da ag-
raldypdyrys». 20 Şamuwel halka şeýle
diýdi: «Hawa, siz pis işlere baş goşduňyz,
ýöne şonda-da gorkmaň. Rebden ýüz
öwürmäň-de, tutuş kalbyňyz bilen Oňa
gulluk ediň. 21 Galp hudaýlaryň yzyna
düşmäň. Olar size ne peýda berer, ne-de
sizi gorar, çünki olar bihuda zatlardyr.
22 Şöhratly adynyň hatyrasyna Reb Öz
halkyny terk etmez, çünki Ol sizi Öz

[a] **12:8** ***Müsürliler olary ezdiler*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok.
[b] **12:11** ***Barak*** – käbir golýazmalarda *Bedan*.

halky etmekden hoşal boldy. 23 Üstesine-
de, siziň üçin dileg etmegimi bes edip,
Rebbiň öňünde günä gazanmagymdan
Rebbiň Özi saklasyn! Men size hözirli
hem dogry ýol görkezjek. 24 Diňe Rebden
gorkuň we Oňa tüýs ýürekden, wepadar-
lyk bilen gulluk ediň. Görüň, Ol siziň
üçin nähili gudratly işleri etdi! 25 Öz pis
hereketleriňizden el çekmeseňiz welin,
patyşaňyz bilen bile ýok edilersiňiz».

### 13-nji bap

***Şawul Rebbiň sözüne gulak asmaýar***

1 Şawul patyşa bolanda otuz ýaşlaryn-
dady. Ol Ysraýyla kyrk iki ýyl patyşalyk
etdi. 2 Şawul ysraýyllardan üç müň ada-
my saýlap aldy. Olaryň iki müňüsini ol
Mikmaşda we Beýtel daglygynda öz
ýanynda saklady; müňüsini bolsa ogly
Ýonatan bilen benýamin topragyndaky
Gibga galasynda ýerleşdirdi. Galanlary-
ny bolsa yzlaryna, öýli-öýüne ugratdy.
3 Ýonatan piliştlileriň Gebadaky go-
şunyny derbi-dagyn etdi. Bu habar
piliştlilere baryp ýetdi. Şawul: «Goý,
ýewreýler eşitsinler!» diýip, mundan ha-
bardar etmek üçin, ýurduň ähli ýerinde
şahdan edilen surnaý çaldyrdy. 4 Şawulyň
piliştli goşuny derbi-dagyn edendigini
ysraýyllar eşidenlerinde, piliştlileriň
özleri bilen öjügendiklerini duýup, olar
Gilgala Şawulyň ýanyna ýygnandylar.
5 Üç müň söweş arabaly, alty müň sö-
weş arabaly esgerleri we sansyz-sajaksyz
goşun bolup, Ysraýyl bilen uruşmak
üçin, piliştliler başlaryny jemlediler.
Beýtaweniň gündogaryndaky Mikmaşa
baryp, olar ol ýerde özlerine harby dü-
şelge gurdular. 6 Ysraýyllar çykgynsyz
ýagdaýa düşendiklerini görenlerinde
(çünki olaryň goşunlary gowy gysaja
salnypdy), olaryň käsi gowaklarda,
çukurlarda, gaýalarda, mazarlarda we
gurruk guýularda gizlendiler. 7 Birnäçe
ýewreý bolsa Iordan derýasyndan geçip,
Gat hem-de Gilgat topragyna aralaşdy.
Şawul heniz Gilgaldady we onuň
ýanyndaky goşun gorkudan ýaňa sandy-
raşýardy. 8 Şamuweliň bellän möhletine
görä, Şawul ýedi gün garaşdy, emma
Şamuwel Gilgala gelmedi. Şawulyň ýa-
nyndaky halk ondan çetleşip başlady.
9 Şonda Şawul halka: «Ýakma we salamat-
lyk gurbanlygy üçin mal getiriň» diýdi.
Şeýdip, ol ýakma gurbanlygyny berdi.
10 Şawul ýakma gurbanlyk bermekligi
ýaňy gutardym edende, Şamuwel gel-
di. Garşylamak hem salamlaşmak üçin,
Şawul onuň öňünden çykdy. 11 Şamuwel
oňa: «Näme iş bitirdiň?» diýdi. Şawul
oňa şeýle jogap berdi: «Töweregimdäki
halk menden çetleşip başlady, sen hem
aýdan möhletiňde gelmediň, piliştliler
bolsa Mikmaşa ýygnandylar. 12 Onsoň
men: „Indi piliştliler Gilgala, meniň üstü-
me dökülerler. Men bolsa Rebden medet
hem dilemedim“ diýip oýlandym we ýak-
ma gurbanlyk bermäge mejbur boldum».
13 Şamuwel Şawula şeýle diýdi: «Akmak-
lyk etdiň, öz Hudaýyň Rebbiň emrini
tutmadyň. Reb seniň Ysraýylyň üstünden
edýän şalygyňy ömürlik ebedileşdirjekdi.
14 Ýöne, ine, indi seniň şalygyň dowam
etmez. Reb Öz göwnünden turýan birini
tapyp, ony Öz halkyna hökümdar bellär.
Çünki sen Rebbiň emrini tutmadyň».
15 Soňra Şamuwel Gilgaldan benýamin
topragyndaky Gibga galasyna gitdi.
Şawul öz ýanyndaky adamlary sana-
dy; jemi alty ýüz töweregi adam çykdy.
16 Şawul, onuň ogly Ýonatan we ola-
ryň ýanyndakylaryň ählisi benýamin
topragyndaky Gebada galdy. Piliştliler
bolsa Mikmaşda düşelge gurupdylar.
17-18 Piliştli hüjümçiler üç topara bölünip,

öz düşelgelerinden çykdylar. Olaryň bi-
rinji topary Şugalyň Opra ýoluna tarap,
beýlekisi Beýthorona, üçünji topar bolsa
çölüň üsti bilen Sebogym jülgesinden
serhede tarap öwrüldi.

19 Ysraýyl ýurdunyň hiç bir ýerinde
ýekeje-de demirçi ussa ýokdy. Sebäbi
piliştliler gylyçdyr naýza ýasamaga ýew-
reýlere ýol bermeýärdiler. 20 Şoňa görä,
ähli ysraýyllar azaldyr kätmenlerini,
paltadyr oraklaryny eltip, piliştlilere
çarhladardylar. 21 Azal we kätmen çarh-
latmagyň nyrhy bir ýarym mysgal kümşe,
paltadyr orak çarhlatmagyň nyrhy bol-
sa bir mysgal [a] kümşe barabardy. 22 Şol
sebäpli uruş wagtynda Şawul bilen Ýo-
natanyň adamlarynyň elinde ne gylyç,
ne-de naýza bardy. Bu ýaraglar diňe
Şawul bilen onuň ogly Ýonatanda bardy.

23 Şol arada piliştli goşunyň öňdäki
bölümi Mikmaş geçelgesine gitdi.

## 14-nji bap

### *Ýonatanyň edermenligi*

1 Bir gün Şawulyň ogly Ýonatan öz
ýaragyny göterýän nökerine: «Ýör, ol
tarapdaky piliştlileriň öňdäki bölümi-
niň üstüne gideli» diýdi. Ýöne ol muny
kakasy Şawula aýtmady. 2 Şawul şol
wagt Gibganyň golaýynda ýerleşýän
Migrondaky nar agajynyň aşagynda
otyrdy. Onuň ýanyndaky goşunyň jemi
alty ýüz adama golaýdy. 3 Efot geýnip
gezýän Ahyýa hem şu ýerdedi. Ol Ika-
bodyň dogany bolan Ahytubyň ogludy.
Ikabot Pinehasyň ogly, Rebbiň Şilodaky
ruhanysy Eliýiň agtygydy.

Ýonatanyň gidenini häzir hiç kim
bilmeýärdi. 4 Piliştli goşunyň öňdäki
bölümine barmak üçin, Ýonatan Boses
hem Sene atly iki sany uçut gaýanyň ara-
synda ýerleşýän geçelgeden geçmelidi.
5 Gaýalaryň demirgazykdakysy Mik-
maşa, günortadakysy bolsa Geba tarap
bakyp durdy. 6 Ýonatan öz ýaraglaryny
göterýän nökerine şeýle diýdi: «Ýör, şol
sünnetsizleriň üstüne gideli. Belki, Reb
biziň işimizi oňuna eder. Çünki köpüň
elinden ýa-da azyň elinden halas etmäge
Reb üçin hiç hili kynçylyk ýokdur». 7 Ýa-
ragçy nöker Ýonatana: «Gözel göwnüň,
ýör. Men seniň bilen; seniň islegiň – me-
niň islegim» diýdi. 8 Soňra Ýonatan oňa
şeýle diýdi: «Golaýrak baraly-da, olara
görneli. 9 Eger olar: „Ýanyňyza barýan-
çak garaşyň“ diýseler, biz şol duran
ýerimizde durarys, olara golaýlaşmarys.
10 Ýöne olar: „Bäri geliň“ diýäýseler,
onda olaryň ýanyna bararys. Çünki bu
olary Rebbiň biziň elimize berendigini
görkezýän bir alamat bolar». 11 Şeýdip,
olaryň ikisi-de piliştlilere göründiler.
Piliştliler olary görüp: «Serediň! Ýew-
reýler gizlenen garymlaryndan çykyp
başladylar» diýip seslendiler. 12 Soňra
Ýonatan bilen onuň ýaragçy nökeri-
ne piliştliler: «Bäri geliň, size aýtjak
zadymyz bar» diýip gygyrdylar. Ýona-
tan öz ýaragçy nökerine: «Yzym bilen
çykyber. Çünki Reb olary Ysraýylyň
eline berdi» diýdi. 13 Ýonatan dyrmaşyp,
ýokary çykdy. Ýaragçy nökeri-de onuň
yzyndady. Piliştliler Ýonatanyň öňünde
durup bilmän ýykylýardylar, ýaragçy
nöker bolsa yzdan olary gyryp barýardy.
14 Birinji söweş jeňinde Ýonatan bilen
onuň ýaragçy nökeri her ýüz ädimden
birbada ýigrimi töweregi adamy gyr-
dy. 15 Düşelgedäkileri, meýdandakylary,

[a] **13:21** ***Bir ýarym mysgal… bir mysgal*** – ýewreýçe *bir pim… üçden bir şekel.* Bir pim 8 gr, üçden bir şekel 4 gr deňdir.

ähli halky aýylganç gorky gaplap aldy.
Bölümdäkiler, hatda hüjümçiler gorku-
dan ýaňa sandyraşdylar, ýer titredi we
Rebden gelen güýçli gorky gaplap aldy.

### *Piliştliler ýeňilýärler*

16 Şawulyň benýamin topragyndaky
Gibga galasynda goýan gözegçileri pilişt-
lileriň düşelgesinde turan başagaýlygy
gördüler. 17 Şawul öz ýanyndakylara:
«Adamlary sanaň-da, kimiň ýokdugyny
anyklaň» diýdi. Olar görseler, Ýonatan
bilen onuň ýaragçy nökeri bu ýerde ýok
eken. 18 Şawul Ahyýa ruhana: «Hudaýyň
sandygyny getir» diýdi. Çünki Hudaýyň
sandygy şol gün ysraýyllaryň ýanyndady.
19 Şawulyň ruhany bilen gepleşip duran
wagtyna çenli piliştlileriň düşelgesin-
de dowam edýän başagaýlyk ýetjek
derejesine ýetipdi. Şoňa görä Şawul
ruhana: «Äht sandygyndan eliňi aýyr»
diýdi. 20 Soňra Şawul we onuň adamlary
toplanyşyp gitdiler-de, piliştliler bilen
garpyşdylar. Çendenaşa aljyraňňyly-
ga düşen piliştliler biri-birlerine gylyç
salýardylar. 21 Öň piliştlileriň tarapyna
geçip, olar bilen bile olaryň düşelgesine
gelen ýewreýler hem Şawul bilen Ýona-
tanyň ýanyndaky ysraýyllara goşuldylar.
22 Piliştlileriň gaçanyny eşidip, Efraýym
daglygynda gizlenen ysraýyllar hem
söweş meýdanynda olaryň söbügine
mündüler. 23 Şeýdip, ol gün Reb Ysra-
ýyla ýeňiş getirdi.

Söweş Beýtawene geçdi we Şawulyň
ýanyndaky goşun hemmesi bile on müň
adama golaýdy. Söweş Efraýym dagly-
gyna ýaýrady.

### *Ýonatan bal iýýär*

24 Ol gün ysraýyllarda ysgyn-my-
dar galmandy, çünki Şawul: «Agşama
çenli, men tä duşmanlarymdan arymy
alýançam, duz dadana nälet bolsun»
diýip, adamlara ant içiripdi. Şonuň
üçin hem goşundan bir adam hem duz
datmandy. 25 Tutuş goşun arynyň öýjük-
lerinden doly bir ýeriň üstünden bardy.
Ýeriň ýüzi baldan doludy. 26 Öýjüklerin-
den bal akyp durandygyny görseler-de,
urşujylaryň hiç biri ondan dadaýyn
diýmedi, çünki olar öz içen antlaryn-
dan gorkýardylar. 27 Kakasynyň halka
ant içirendiginden Ýonatan bihabardy.
Ol elindäki hasasynyň ujuny bala ba-
tyryp, agzyna ýetirende, onuň gözleri
ýalpyldap gitdi. 28 Şol wagt adamlardan
biri: «„Şu gün duz dadana nälet bolsun“
diýip, kakaň halka berk ant içirdi. Şol se-
bäpli-de halkda ysgyn-mydar galmady»
diýdi. 29 Ýonatan şeýle diýdi: «Kakamyň
beýtmesi goşuna sütem etmek bolýar.
Serediň, gözüm ýiteläýendir, sebäbi
men şu baldan azajyk dadyp gördüm.
30 Eger-de häzir halk duşmanlardan al-
nan oljadan doýýança iýsedi, onda nähili
gowy bolardy; olar, gör näçe piliştlini
gyrardylar». 31 Mikmaşdan Aýalona çenli
bolan aralykda şol gün ysraýyllar pilişt-
lilere zarba urdular. Halkda ysgyn-mydar
galmandy. 32 Ahyry, halaýyk ele salnan
oljalaryň üstüne çozdy. Olar goýunla-
ryň, öküzlerdir sygyrlaryň damagyny
çalyp, ganyny akdyrman, olaryň etini
gany bilen bile bişirip iýdiler. 33 «Ganly
et iýip, halk Rebbiň öňünde günä ga-
zanýar, ony bir görsene» diýip, Şawula
habar berdiler. Ol: «Siz haýynlyk etdiňiz.
Indi meniň ýanyma uly bir daşy togalap
getiriň» diýdi. 34 Soňra: «Halkyň arasyna
baryň-da, olara aýdyň, goý, her kim öz
öküzini ýa-da goýnuny getirsin-de, şu
ýerde soýup iýsin. Ganly et iýip, Reb-
biň öňünde günä gazanmasynlar» diýip,
Şawul sözüniň üstüni ýetirdi. Şoňa görä
şol gije her kim öz öküzini getirip, şol

ýerde soýdy. 35 Şawul ol ýerde Rebbe bir
gurbanlyk sypasyny ýasady. Bu onuň
Rebbe ýasan ilkinji gurbanlyk sypasydy.
36 Soňra Şawul: «Şu gije piliştlileriň
üstüne çozalyň-da, daňa çenli olaryň
mallaryny talalyň. Olaryň biri-de bi-
ziň elimizden aman sypmasyn» diýdi.
Adamlary oňa: «Gözel göwnüň» diýdiler.
Emma ruhany: «Geliň, ilki Hudaýa sala
salalyň» diýdi. 37 «Piliştlileriň yzyndan
kowaýynmy? Olary Sen Ysraýylyň eli-
ne berersiňmi?» diýip, Şawul Hudaýa
ýüzlendi. Emma Hudaý ol gün oňa
jogap bermedi. 38 Soňra Şawul şeýle
diýdi: «Eý, halkyň baştutanlary, ähliňiz
şu ýere ýygnanyň. Bu günäniň nähili
gazanylandygyny anyklalyň. 39 Ysraýy-
ly halas edýän Rebden ant içýärin, öz
oglum Ýonatan günäkär bolsa-da, ol
ölmelidir». Emma tutuş halkyň içinden
hiç kim oňa jogap bermedi. 40 Soňra ol
ysraýyllaryň ählisine ýüzlenip: «Siz bir
tarapda, oglum Ýonatan ikimiz hem
beýleki tarapda duraly» diýdi. Adam-
lar Şawula: «Gözel göwnüň» diýdiler.
41 Soňra Şawul: «Eý, Ysraýyl Hudaýy
Reb! Näme üçin Sen bu gün Öz guluňa
jogap bermeýärsiň? Eger oglum Ýonatan
ikimiziň birden birimiz ýazykly bolsak,
onda Urymy ber, eger-de Öz halkyň
Ysraýyl günäkär bolsa, onda Tummymy
ber, ýa Ysraýyl Hudaýy Reb [a]» diýdi.
Şeýlelikde, gurra taşlanyldy. Gurra Şa-
wul bilen onuň ogly Ýonatana düşdi,
halk bolsa bigünä bolup çykdy. 42 Soň-
ra Şawul: «Maňa we oglum Ýonatan
ikimize gurra taşlaň» diýdi. Bu gezek
gurra Ýonatana düşdi. 43 Şawul Ýona-
tana: «Hany, aýt, näme etdiň?» diýdi.
Ýonatan oňa: «Elimdäki hasamyň ujuny
bala batyrdym-da, baldan dadyp gör-
düm. Näme, indi men öläýmelimi?»
diýdi. 44 Şawul Ýonatana: «Eger men
seni öldürmesem, onda Hudaý meniň
özümi öldürer, hatda ondan beterini
görkezer» diýdi. 45 Şondan soň halk:
«Ýonatany öldürjekmi? Ysraýyly şu be-
ýik ýeňşe ýetireni öldürmekçimi?! Başa
barmaz! Rebden ant içýäris, Ýonatana
barmagyňam batyrmarsyň. Çünki bu
gün ol Hudaýyň ýardam bermegi bilen
söweşdi» diýip, Şawula garşylyk gör-
kezdiler. Şeýdip, halk Ýonatanyň başyny
ölümden gutardy. 46 Şundan soň Şawul
piliştlileriň yzyndan kowalamakdan el
çekdi; piliştliler öz ýerlerine dolandylar.

### *Şawulyň hökümdarlygy*

47 Ysraýyla şa bolandan soň, Şawul
töweregindäki duşmanlarynyň ählisine:
mowap, ammon, edom halklaryna, So-
ba şalaryna we piliştlilere garşy uruşlar
alyp bardy. Baran ýerinde-de, ol ýeňiş
gazandy [b]. 48 Mertlerçe söweşip, ama-
lekleri gyrdy, ysraýyly talaňçylaryň
howpundan dyndardy.
49 Ýonatan, Ýişwi we Malkyşuwa Şa-
wulyň ogullarydy. Onuň iki gyzynyň
ulusynyň ady Merap, kiçisiniň ady bolsa
Mikaldy. 50 Ahymagasyň gyzy Ahyno-
gam Şawulyň aýalydy. Agasy Neriň
ogly Abner onuň goşunbaşysydy. 51 Şa-
wulyň kakasy Kiş bilen Abneriň kakasy
Ner Abyýeliň ogullarydy.
52 Şawul ömürboýy piliştlileriň gar-
şysyna ýowuz uruşlar alyp bardy. Ol
nirede gujurly ýa batyr ýigit görse, ony
öz ýanyna çekerdi.

---

[a] **14:41** ***Eý, Ysraýylyň Hudaýy Reb… ýa Ysraýylyň Hudaýy Reb*** – bu sözlemleriň deregine käbir golýazmalarda *Eý, Ysraýylyň Hudaýy Reb! Maňa dogry çözgüdini ber* diýen sözler bar.
[b] **14:47** ***Ýeňiş gazandy*** – käbir golýazmalarda *pislik etdi.*

### 15-nji bap

*Şawul amalekleri derbi-dagyn edýär*

1 Şamuwel Şawula şeýle diýdi: «Reb
Öz halky ysraýyla patyşa bellemek üçin
meni seniň ýanyňa iberdi. Indi sen Reb-
biň sözüne gulak as. 2 Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Men amalekleri jezalan-
dyrjak, çünki olar ysraýyllar Müsürden
gelýärkäler, ýolda olara garşy boldular.
3 Indi, bar, amalekleri gyr, olaryň äh-
li emlägini bütinleý ýok et. Olary diri
galdyrma. Aýal-erkeginiň, çaga-çugasy-
nyň, mal-garadyr dowarlarynyň, düýedir
eşekleriniň baryny gyr“». 4 Şundan soň
Şawul öz urşujylaryny Telaýym galasyna
toplap, olaryň sanyny aldy; iki ýüz müň
pyýada goşunyň daşyndan Ýahudadan-
da on müň esger bardy. 5 Soňra Şawul
amalekleriň galasyna gelip, çeşmäniň bo-
ýunda bukulyp ýatdy. 6 Şawul keýnlere:
«Amalekler bilen bile paýhynlanasyňyz
gelmeýän bolsa, ol ýerden çykyň; ysraýyl
halky Müsürden çykyp gaýdanda, siz oňa
ýardam edipdiňiz» diýip habar ýollady.
Şunlukda, keýnler ol ýerden çykdylar.

7 Şawul Hawyladan Müsüriň gündo-
garyndaky Şura çenli bolan aralykda
amalekleri derbi-dagyn etdi. 8 Olar ama-
lek patyşasy Agagy diri ele saldylar,
halky bolsa gylyçdan geçirip, bütinleý
ýok etdiler. 9 Ýöne olar Agagy we goýun-
lardyr öküzleri, baga bakylan mallary,
guzularyň semizlerini mahlasy, gowy
zatlary diri galdyrdylar we olary bü-
tinleý ýok etmediler. Olar diňe derde
ýaramajak zatlary bütinleý ýok etdiler.

*Reb Şawuly ret edýär*

10-11 Rebbiň Şamuwele: «Şawuly patyşa
edendigime ökünýärin, çünki ol Men-
den ýüz öwürdi, buýruklarymy ýerine
ýetirmedi» diýen sözi aýan boldy. Bu
Şamuweliň gaharyny getirdi. Ol bütin
gijäni Rebbe perýat edip geçirdi. 12 Şamu-
wel daň bilen turup, Şawulyň gözlegine
çykdy. «Şawul Karmel galasyna gidip,
ol ýerde özüne ýadygärlik oturtdy, soň-
ra bolsa Gilgala gitdi» diýip, Şamuwele
habar berdiler. 13 Şamuwel Şawulyň ýa-
nyna baranda, Şawul oňa: «Reb saňa
ýar bolsun! Men Rebbiň emrini berjaý
etdim» diýdi. 14 Şamuwel oňa: «Onda
bu goýunlaryň mälemesidir öküzleriň
molamasy näme?» diýdi. 15 Şawul oňa:
«Adamlar bulary amaleklerden getirdiler.
Halk semiz goýunlardyr öküzleri seniň
Hudaýyň Rebbe gurbanlyk bermek üçin
diri goýdular, galanlaryny bütinleý ýok
edip taşladyk» diýip jogap berdi. 16 Soň-
ra Şamuwel Şawula: «Besdir! Men saňa
Rebbiň öten agşamky maňa diýen zadyny
aýdyp berjek» diýdi. Şawul oňa: «Aýt»
diýdi. 17 Şamuwel oňa şeýle diýdi: «Özü-
ňi ähmiýetsiz kiçi saýsaň-da, sen ysraýyl
tireleriniň kethudasy dälmi eýsem? Reb
seni Ysraýylyň üstünden şalyk sürmäge
saýlady. 18 Reb seni ýola salyp: „Bar, şol
günälileri – amalekleri gyryp, bütinleý
ýok edýänçäň, olara garşy uruş“ diýipdi.
19 Näme üçin sen Rebbiň sözüne gulak
asmadyň? Näme üçin sen olja kowalaşyp,
Rebbiň ýigrenýän işlerini etdiň?» 20 Şawul
oňa şeýle jogap berdi: «Men Rebbiň sözü-
ne gulak asdym. Men Rebbiň aýdan ýerine
gitdim; amalekleriň patyşasy Agagy tutup
getirdim, olaryň özlerini bolsa gyryp,
bütinleý ýok etdim. 21 Emma meniň adam-
larym oljadan ýok edilmeli goýunlardyr
öküzleriň iň semizlerini öldürmegiň de-
regine, olary Gilgalda seniň Hudaýyň
Rebbe gurbanlyk bermek üçin şu ýere
getiripdirler». 22 Şamuwel şeýle diýdi:

«Rebbe ýakma gurbanlyklardyr
sadakalar bereniň bilen,

Onuň Özüne boýun egilişindäki
ýaly göwni galkynarmyka?
Çünki boýun egmeklik
gurbanlykdan,
gulak asmaklyk goçuň
ýagyndan has belentdir.
23 Çünki topalaň palçylyga barabar
günädir.
Tekepbirlik şere we
butparazçylyga barabardyr.
Rebbiň sözüni ret edendigiň üçin
Reb hem seniň patyşa
bolmaklygyňy ret etdi».
24 Şawul Şamuwele şeýle jogap berdi:
«Men günä gazandym, çünki men Reb-
biň buýrugyny ýerine ýetirmedim, seniň
sözüňi tutmadym. Sebäbi men halkdan
gorkup, halkyň diýeni bilen boldum.
25 Emma indi ýalbarýaryn, günämi öt.
Rebbe sežde ederim ýaly, meniň bilen
bile git». 26 Şamuwel Şawula şeýle diýdi:
«Seniň bilen gitmerin, çünki sen Rebbiň
sözüni ret etdiň, Reb hem seniň Ysraýyla
patyşa bolmaklygyňy ret etdi». 27 Şamu-
wel gitmekçi bolup öwrülende, Şawul
onuň donunyň synyndan ýapyşdy, don
ýyrtyldy. 28 Şamuwel oňa şeýle diýdi:
«Reb bu gün Ysraýyl patyşalygyny se-
niň eliňden ýyrtyp alyp, saňa görä has
gowurak başga birine berdi. 29 Şeýle
hem, Ysraýyl Şöhraty ýalan sözlemez
ýa-da pikirini üýtgetmez. Çünki Ol
pikirini üýtgeder ýaly ynsan däldir».
30 Soňra Şawul Şamuwele: «Men günä
gazandym. Ýöne halkymyň ýaşulula-
rynyň öňünde we Ysraýylyň arasynda
meni ryswa etme. Hudaýyň Rebbe sežde
etmegim üçin, gaýdanyňda bile gide-
li» diýdi. 31 Şunlukda, Şamuwel yzyna
Şawul bilen bile gaýtdy; Şawul Reb-
be sežde etdi. 32 Soňra Şamuwel şeýle
diýdi: «Amalekleriň patyşasy Agagy
meniň ýanyma alyp geliň». Agak onuň
ýanyna göwnühoş halda geldi. Agak öz
ýanyndan «ölüm howpy sowuldy» diýip
oýlandy. 33 Şamuwel oňa: «Seniň gylyjyň
aýallary öz çagalaryndan mahrum etdi.
Seniň öz ejeň hem, goý, şol aýallar ýaly
perzendinden mahrum bolsun» diýdi
we Agagy Gilgalda Rebbiň huzurynda
kerçäp taşlady. 34 Soňra Şamuwel Rama,
Şawul bolsa öz Gibgadaky öýüne gitdi.
35 Şondan soň Şamuwel ömri ötýänçä
Şawuly gaýdyp ýeke gezek görmese-de,
onuň derdini çekip gezdi. Reb Şawuly
Ysraýyla patyşa edendigine ökündi.

## 16-njy bap

### *Dawut patyşalyga bellenýär*

1 Reb Şamuwele şeýle diýdi: «Sen ha-
çana çenli Şawulyň derdini çekip ýörjek?
Men onuň Ysraýylyň üstünden patyşalyk
etmegini ret etdim! Hany bol, küýzäňi
ýagdan doldur-da, ýola düş. Men seni
beýtullahamly Ýyşaýyň ýanyna iberjek,
çünki Men onuň ogullarynyň arasyn-
dan birini Özüm üçin patyşa saýladym».
2 Şamuwel: «Men nädip gideýin? Eger
Şawul eşidäýse, ol meni öldürer» diýdi.
Reb oňa şeýle diýdi: «Ýanyňa bir göle
al-da, „Men Rebbe gurbanlyk bermäge
geldim“ diý. 3 Ýyşaýy gurbanlyga çagyr.
Meniň üçin onuň haýsy oglunyň başyna
ýag guýmalydygyňy soň Özüm saňa gör-
kezerin». 4 Şamuwel Rebbiň buýrugyny
ýerine ýetirdi; ol Beýtullahama geldi.
Galanyň ýaşululary sandyraşyp, onuň
ýanyna geldiler-de: «Eýgilikmi?» diýdiler.
5 Şamuwel: «Eýgilik. Rebbe gurbanlyk
bermek üçin geldim. Iniňizi tämizläň-de,
meniň bilen gurbanlyga baryň» diýdi.
Soňra ol Ýyşaý bilen onuň ogullaryny
tämizläp, mukaddes etdi we olary gur-
banlyga çagyrdy. 6 Olar gelenlerinde,
Şamuwel Eliýaby gördi we ol «Rebbiň

seçip-saýlanynyň Onuň huzuryna gelen-
digine şek ýok» diýip pikir etdi. [7]Emma
Reb Şamuwele: «Onuň daş keşbine ýa-da
uzyn boýuna garama, çünki Men ony ret
etdim. Sebäbi Rebbiň garaýşy adamyň-
ky ýaly däldir. Adam daş keşbe seredýär,
emma Reb kalba seredýär» diýdi. [8]Soňra
Ýyşaý Abynadaby çagyryp, ony Şamu-
weliň alnyndan geçirdi. Şamuwel: «Reb
muny-da saýlamady» diýdi. [9]Soňra Ýyşaý
Şamuweliň öňünden Şammany geçirdi.
Ol: «Reb muny-da saýlamady» diýdi.
[10]Ýyşaý ýedi oglunyň ýedisini-de şeýdip,
Şamuweliň öňünden geçirdi. Şamuwel
Ýyşaýa: «Reb bularyň hiç birini-de saý-
lamady» diýdi. [11]Soňra ol Ýyşaýdan:
«Ogullaryň hemmesi şularmy?» diýip
sorady. Ýyşaý: «Ýene körpesi-de bar, ol
goýun bakyp ýör» diýip jogap berdi. Şa-
muwel Ýyşaýa: «Ony getirt, çünki ol bu
ýere özi gelýänçä, biz dyz epmeris» diýdi.
[12]Ýyşaý ony getirtdi. Ol gyzylmeňizdi,
görmegeýdi, gözleri owadandy. Reb: «Bu
şol, tur, onuň başyna ýag guýup saýla»
diýdi. [13]Soňra Şamuwel Dawudyň agala-
rynyň öňünde ýagly küýzäni alyp, onuň
üstünden ýag guýdy. Şol günden beýläk
Rebbiň Ruhy Dawudyň kalbyny eýeläp
başlady. Şamuwel bolsa Rama gitdi.

[14]Rebbiň Ruhy Şawuldan aýryldy. Reb
tarapyndan iberilen jyn-arwah ony gor-
kuzýardy. [15]Hyzmatkärleri Şawula şeýle
diýdiler: «Görýäňizmi, Reb tarapyndan
iberilen jyn-arwah sizi gorkuzýar. [16]Jena-
bymyz huzuryndaky hyzmatkärlerine lira
çalmaga ussat adamyň gözlegine çykmagy
buýursa, Reb tarapyndan iberilen jyn-ar-
wah siziň üstüňize inende, ol çalardy, siz
bolsa gutulardyňyz». [17]Şawul hyzmat-
kärlerine: «Ussat sazanda tapyň-da, ony
ýanyma alyp geliň» diýdi. [18]Olaryň biri:
«Ýogsa-da, men beýtullahamly Ýyşaýyň
bir ogluny gördüm. Saza ussat, batyr ýigit,
gaýduwsyz urşujy, dilewar hem görmegeý.
Reb hem onuň bilen» diýdi. [19]Şoňa görä,
Şawul Ýyşaýa: «Goýun bakyp ýören og-
luň Dawudy meniň ýanyma iber» diýen
habar bilen çapar ýollady. [20]Ýyşaý ogly
Dawudy Şawulyň ýanyna iberende, onuň
ýany bilen bir eşege çörek, bir tulum şerap
hem-de bir owlak ýükläp iberdi. [21]Dawut
Şawulyň ýanyna gelip, oňa hyzmata dur-
dy. Şawul Dawudy juda gowy gördi we
ony özüniň ýaragçy nökeri etdi. [22]Şawul
Ýyşaýa: «Dawudyň meniň hyzmatymda
galmagyna ygtyýar et, ol meniň göwnüm-
den turdy» diýip, habar ýollady. [23]Reb
tarapyndan iberilen jyn-arwah Şawulyň
üstüne inen wagty, Dawut lirasyny alyp
çalardy, şonda jyn-arwah ondan el çekerdi
we Şawul gutulyp ynjalardy.

## 17-nji bap

### *Jalut ysraýyllara gyjalat berýär*

[1]Uruşmak üçin goşunlaryny jemlän
piliştliler Ýahudanyň Soko galasyna
toplandylar we Soko bilen Azekanyň
aralygyndaky Epesdammym galasynda
düşelge gurdular. [2]Şawul bilen ysraýyl-
lar hem toplandylar. Olar Ela jülgesinde
düşelge gurdular we piliştliler bilen
uruşmak üçin, sap-sap bolup durdular.
[3]Piliştliler bir depede, ysraýyllar bolsa
beýleki tarapdaky depede ornaşdylar.
Olaryň aralarynda jülge bardy. [4]Pilişt-
leriň düşelgesinden Gat galasyndan
Jalut atly bir pälwan öňe çykdy. Onuň
boýy alty tirsek bir garyşdy. [5]Başynda
bürünç tuwulga, egninde bolsa teňňeli
sowut bardy. Sowudyň agramy üç bat-
man [a] bürünje barabardy. [6]Aýaklary

[a] **17:5** ***Üç batman*** – ýewreýçe *bäş müň şekel*. Bu takm. 57 kg deňdir.

bürünç dyzbentlidi, egnine bürünç naýza
asylgydy. 7 Naýzasynyň sapy pürs agajy
ýalydy; naýzasynyň tygynyň agramy on
ýedi gadak [a] demre barabardy. Öňünde-
de galkançy nökeri bardy. 8 Jalut aýak
çekdi-de, ysraýyl goşunyna tarap şeýle
diýip gygyrdy: «Näme üçin nyzama
durup, söweşe çykdyňyz? Men piliştli,
siz bolsa Şawulyň gullary. Şeýle dälmi?
Araňyzdan birini saýlap seçiň, goý, ol
meniň ýanyma gelsin. 9 Eger ol meniň
bilen tutluşyp, meni öldürip bilse, biz
size gul bolarys. Ýöne men üstün çykyp,
ony öldüräýsem, onda siz bize gul bolup,
gullugymyzda durarsyňyz». 10 Piliştli:
«Men bu gün ysraýyl goşunyna gyjalat
berýärin. Meniň bilen tutluşar ýaly adam
beriň» diýdi. 11 Piliştliniň bu sözlerini
eşidende, Şawuly we ähli ysraýyllary
aljyraňňylyk hem gorky gaplap aldy.

### *Dawut Şawulyň düşelgesinde*

12 Dawut Ýahudanyň Beýtullaham ga-
lasyndan efratly Ýyşaý diýen adamyň
ogludy. Ýyşaýyň sekiz ogly bardy. Şa-
wulyň döwründe Ýyşaý eýýäm garrap,
ýaşy birçene baran adamdy. 13 Ýyşaýyň
uly üç ogly Şawul bilen bile söweşe
gidipdi. Ol üçüsiniň iň ulusynyň ady
Eliýap, ikinjisiniň ady Abynadap, üçün-
jisiniň ady bolsa Şammady. 14 Dawut iň
kiçileridi; uly üç ogul Şawulyň ýanynda-
dy. 15 Dawut öz kakasynyň goýunlaryny
bakmak üçin, Şawulyň ýanyndan käwagt
Beýtullahama gelip-giderdi.

16 Ol piliştli kyrk günläp irden hem
agşam orta çykyp, özüni görkezdi.

17 Bir gün Ýyşaý ogly Dawuda şeý-
le diýdi: «Bir batman gowurga bilen,
ine, şu on sany çöregi al-da, derrew
düşelgedäki doganlaryňa äkit. 18 Bu on
bölek peýniri bolsa olaryň müňbaşy-
syna ber. Agalaryňyň hal-ahwalyndan
habar al-da, olardan bir nyşan getir».
19 Şol wagt Şawul, Dawudyň doganlary
we ähli ysraýyllar Ela jülgesinde pilişt-
liler bilen söweşip ýördüler. 20 Dawut
irden turup, goýunlary sakça tabşyr-
dy. Ýyşaýyň tabşyryşy ýaly, azyklary
alyp ýola düşdi. Dawut düşelgä gelende,
goşun gykylyklap, söweş meýdanyna
tarap barýardy. 21 Ysraýyllar hem-de
piliştliler söweşmek üçin sap-sap bolup,
ýüzbe-ýüz durdular. 22 Dawut zatlaryny
sakça tabşyrdy-da, goşuna tarap ylgady.
Agalarynyň ýanyna baryp, olar bilen sa-
lamlaşdy. 23 Dawut agalary bilen gepleşip
durka, ine, birden Gatdan piliştli Jalut
pälwan goşunyň içinden çykdy-da, şol
öňki sözlerini gaýtalady. Onuň aýdanla-
ryny Dawut eşitdi. 24 Jaludy görenlerinde,
ähli ysraýyllar gorkularyna gaçdylar.
25 Ysraýyllar: «Bu öňe çykyp durany
görýäňizmi? Ol Ysraýyla gyjalat bermek
üçin çykýar. Şony öldürene patyşa um-
masyz baýlyk bilen birlikde gyzyny-da
berjek, maşgalasyny bolsa Ysraýylda
salgytdan boşatjak» diýişdiler. 26 Dawut
ýanyndakylardan: «Bu piliştlini öldürip,
Ysraýyly şu aýypdan dyndarana näme
ediljek diýdiňiz? Diri Hudaýyň goşuny-
na gyjalat berer ýaly, bu sünnetsiz kim
bolupdyr?» diýip sorady. 27 Adamlar
oňa: «Hawa, ony öldürene şeýle ediljek»
diýip, öňki jogaby berdiler. 28 Dawudyň
adamlar bilen gepleşip duranyny görüp,
gazaba münen iň uly agasy Eliýap oňa
şeýle diýdi: «Seniň aşakda näme işiň
bar? Çöldäki ojagaz goýunlaryňy ki-
me taşlap gaýtdyň? Gedem hem gara
ýüreg-ä sen. Söweşe tomaşa etmäge
gelensiň sen». 29 Dawut oňa: «Meniň

[a] **17:7** ***On ýedi gadak*** – ýewreýçe *alty ýüz şekel*. Bu takm. 7 kg deňdir.

eden zadym näme? Men indi geplemelem
dälmi?» diýdi. 30 Ol beýlesine öwrüldi-
de, ýene-de öňki sözlerini gaýtalady.
Adamlar hem oňa öňki jogaby berdiler.
31 Dawudyň aýdanlaryny eşidenler muny
Şawula ýetirdiler. Şawul ony getirtdi.
32 Dawut Şawula: «Şol zerarly ýeke ada-
mam özüni horlamasyn. Guluň gidip,
ol piliştli bilen urşar» diýdi. 33 Şawul
Dawuda: «Bu piliştliniň garşysyna sen
çykyp bilmersiň, sebäbi sen entek ýaş.
Ol bolsa ýaşlygyndan bäri urşup ýören
adam» diýdi. 34 Emma Dawut Şawula
şeýle diýdi: «Men guluň öz kakamyň go-
ýunlaryny bakardym. Ýolbars ýa-da aýy
gelip, sürüden bir guzyny alaýsa, 35 men
onuň yzyndan ýeterdim-de, ony öldürip,
guzyny agzyndan alardym. Bardy-geldi
ol maňa topulaýsa, sakgalyndan tutar-
dym-da, ony urup öldürerdim. 36 Guluň
ýolbars-da, aýy-da öldürip gördi. Bu
sünnetsiz piliştli hem şolaryň gününe
düşer, çünki ol diri Hudaýyň goşunyna
gyjalat berdi». 37 Dawut sözüni dowam
edip: «Meni ýolbarsdyr aýynyň penjesin-
den halas eden Reb şu piliştliniň elinden
hem halas eder» diýdi. Şawul Dawuda:
«Bar, Reb saňa ýar bolsun!» diýdi. 38 Soň-
ra Şawul öz ýaraglaryny Dawuda dakdy,
başyna öz bürünç tuwulgasyny, egnine
bolsa teňňeli sowut geýdirdi. 39 Dawut
ýaraglarynyň üstünden Şawulyň gyly-
jyny biline baglady we ýörejek boldy,
çünki ol bulary öň dakynyp görmändi.
Onsoň Dawut Şawula: «Men bular bi-
len ýöräp bilemok, çünki men öň bulary
dakynyp görmändim» diýdi. Şeýdip,
Dawut bulary çykaryp taşlady.

### *Dawut Jaludy öldürýär*

40 Soňra Dawut eline taýagyny aldy
we çeşmeden bäş sany ýylmanak daş
saýlap, torbasyna saldy. Sapanyny eline
alyp, piliştlä golaýlaşdy. 41 Piliştli hem öz
öňündäki galkançysy bilen bile Dawuda
golaýlap gelýärdi. 42 Dawuda gözi düşen-
de, piliştli oňa äsgermezlik bilen seretdi,
çünki Dawut ýaşdy, gyzylmeňizdi hem
görmegeýdi. 43 Piliştli Dawuda: «Üstü-
me taýakly geler ýaly, men näme itmi?»
diýdi-de, öz hudaýlarynyň adyndan Da-
wuda gargady. 44 Piliştli ýene Dawuda:
«Hany, bir gelsene, etiňi ýyrtyjy guşlar
bilen wagşy haýwanlara şam edeýin»
diýdi. 45 Soňra Dawut piliştlä: «Sen me-
niň üstüme gylyçly, naýzaly we gamaly
gelýärsiň, emma men seniň üstüňe seniň
gyjalat beren Ysraýyl goşunynyň Hudaýy
Hökmürowan Rebbiň adyndan gelýärin.
46 Şu gün Reb seni meniň elime berer we
men seni urup, kelläňi keserin. Men bu
gün piliştlileriň ählisiniň läşini ýyrtyjy
guşlardyr ýabany haýwanlara şam ederin.
Şonda tutuş ýer ýüzi Ysraýylda Hudaýyň
bardygyny biler. 47 Şu ähli halk Rebbiň
gylyçdyr naýzaly halas etmeýändigini
biler, çünki söweş Rebbiňkidir. Ol sizi
biziň elimize berer». 48 Piliştli Dawuda
golaýlaşanda, Dawut ol piliştli bilen
uruşmak üçin, söweş meýdanyna tarap
batly ylgap gitdi. 49 Dawut elini torbasyna
sokup, ondan bir daş çykardy-da, ony
sapanyna salyp atyp goýberdi we pilişt-
liniň maňlaýyndan urdy. Daş piliştliniň
maňlaýyny deşdi we ol ýüzinligine ýere
ýazyldy. 50 Gylyçsyz, sapan hem-de daş
bilen Dawut piliştliden üstün çykyp, ony
urup öldürdi. 51 Soňra ol ylgap baryp, pi-
liştliniň üstüne çykdy we onuň gylyjyny
gynyndan sogrup aldy-da, gylyç bilen
kellesini kesip taşlady. Öz pälwanla-
rynyň öldürilendigini görüp, piliştliler
gaçdylar. 52 Ysraýyllar we ýahudalar
gykylyklap aýaga galdylar, olar Gata we
Ekronyň derwezelerine çenli piliştlileriň
yzyndan kowdular. Ýaralanan piliştliler

Gat[a] we Ekron galalaryna barýan Şaga-
raýym ýolunyň ugrunda serlip ýatyrdy.
53 Piliştlileriň yzyndan kowga giden
ysraýyllar dolanyp geldiler we olaryň
düşelgesini taladylar. 54 Dawut piliştliniň
kellesini alyp, Iýerusalime getirdi, onuň
ýaraglaryny bolsa öz çadyrynda goýdy.

### *Dawut Şawulyň huzurynda*

55 Dawudyň Jalut piliştli bilen uruş-
maga barýanyny görende, Şawul öz
goşunbaşysy Abnerden: «Bu ýigit kimiň
ogly, Abner?» diýip sorapdy. Abner: «Pa-
tyşanyň ömri uzak bolsun, bilmedim»
diýip jogap beripdi. 56 Patyşa: «Onuň
kimiň ogludygyny anykla» diýipdi.
57 Dawut piliştlini öldürip, yzyna
dolanyp gelende, Abner ony Şawulyň
huzuryna alyp bardy. Jalut piliştliniň
kellesi hem onuň elindedi. 58 Şawul on-
dan: «Ýigit, sen kimiň ogly bolarsyň?»
diýip sorady. Dawut: «Seniň beýtulla-
hamly hyzmatkäriň Ýyşaýyň ogly men»
diýip jogap berdi.

## 18-nji bap

1 Şawul bilen Dawut gepleşip bol-
dular. Şondan soň Dawudy Şawulyň
ogly Ýonatanyň sulhy aldy. Ýonatan
ony janyndan hem eziz gördi. 2 Şawul
şol günden beýläk Dawudy öz ýanyna
aldy we oňa öýüne gaýtmaga rugsat ber-
medi. 3 Ýonatan Dawudy janyndan eziz
görensoň, onuň bilen äht edişdi. 4 Ol öz
egnindäki donuny, ýaraglaryny, hatda
gylyjy, ýaýydyr guşagyny-da Dawuda
berdi. 5 Dawut Şawul özüni nirä iberse
gitdi, baran ýerinde-de işi şowuna boldy.
Netijede, Şawul ony öz goşunbaşysy edip
goýdy. Mundan ähli halk-da, Şawulyň
hyzmatkärleri-de hoşal boldular.

### *Şawul Dawuda göriplik edýär*

6 Dawut Jalut piliştlini öldürenden
soň, adamlar öýlerine gaýdyp gelýär-
käler, ähli Ysraýyl galalaryndan gelen
aýallar Şawul patyşany garşylamaga
çykdylar. Olar deprekdir beýleki saz
gurallaryny çalyp, şadyýan aýdymlar
aýdýardylar, tans edýärdiler. 7 Aýallar
şatlykdan ýaňa:

«Şawul müňüsini,
Dawut on müňüsini öldürdi»

diýşip, aýdym aýdýardylar.
8 Aýallaryň bu aýdýan sözi Şawula
ýakmady, onuň juda gahary geldi. Ol:
«Olar Dawuda on müňüsini, maňa bol-
sa müňüsini berýärler. Oňa indi diňe
patyşa bolaýmak galdy» diýdi. 9 Şol
günden beýläk Şawul Dawudy yzar-
lap başlady.
10 Ertesi Hudaý tarapyndan iberilen
jyn-arwah çaltlyk bilen Şawulyň kalbyna
girdi. Ol öz öýünde arlamaga başlady.
Dawut hemişekisi ýaly lira çalyp otyrdy.
Şawulyň elinde naýza bardy. 11 «Dawu-
dy diwara çüýläýin» diýen niýet bilen
Şawul naýzany oňa tarap zyňdy. Em-
ma Dawut iki gezek zyňlan naýzanyň
öňünden sowlup ýetişdi.
12 Şawul Dawutdan gorkýardy, sebäbi
Reb onuň bilendi, Şawuly bolsa Reb terk
edipdi. 13 Şoňa görä Şawul Dawudy öz
ýanyndan aýryp, müňbaşy edip goýdy.
Dawut söweşde öz goşunyna baştutanlyk
edýärdi. 14 Dawudyň hemişe işi rowaçdy,
çünki Reb onuň bilendi. 15 Onuň ähli
işleriniň rowaç bolýandygyny gören-
de, Şawul ondan gorkardy. 16 Özlerine
edenli baştutan bolup ýörensoň, tutuş
Ysraýyl hem, Ýahuda hem Dawudy go-
wy görýärdi.

---

[a] **17:52** ***Gat*** – käbir golýazmalarda *jülge*.

### *Dawut Mikala öýlenýär*

17Şawul Dawuda: «Ine, meniň uly
gyzym Merap. Men ony saňa berjek. Di-
ňe meniň batyrym bolup, Rebbiň üçin
mertlerçe söweşseň bolýar» diýdi. Çünki
Şawul: «Goý, ol meniň elimden däl-de,
piliştlileriň elinden ölsün» diýip pikir
edýärdi. 18Dawut Şawula: «Patyşanyň
giýewsi bolar ýaly, men kim, meniň maş-
galam we Ysraýyldaky ata-babamyň nesli
kim?» diýdi. 19Emma Şawulyň gyzy Me-
rabyň Dawuda berilmeli pursady gelende,
gyz oňa däl-de, meholatly Adryýele dur-
muşa çykaryldy. 20Şondan soň Dawuda
Şawulyň Mikal atly gyzy aşyk boldy.
Bu barada Şawula aýdanlarynda, ol ho-
şal boldy. 21Şawul «Men ony Dawuda
bererin, şeýdibem, oňa duzak guraryn.
Piliştliler ondan öç alar» diýip oýlandy.
Şonuň üçin ikinji gezek Şawul Dawuda:
«Meniň giýewim bolmaga indi sen ikinji
gezek mümkinçilik aldyň» diýdi. 22«Pa-
tyşa senden hoşal, ähli hyzmatkärleri hem
seni gowy görýär. Patyşa giýew bolmak
pursadyň geldi» diýen habary assyryn-
lyk bilen Dawuda ýetirmekligi Şawul öz
hyzmatkärlerine buýurdy. 23Şeýlelikde,
Şawulyň hyzmatkärleri patyşanyň söz-
lerini Dawuda ýetirdiler. Dawut olara:
«Meniň ýaly ýoksul hem arzysyz adam
üçin patyşa giýew bolmaklyk ýeňil işdir
öýdýäňizmi?» diýdi. 24Dawudyň sözlerini
hyzmatkärler Şawula ýetirdiler. 25Soňra
Şawul olara: «Onda siz Dawuda: „Ýüz
sany piliştlini sünnetläp, pürçüklerini ge-
tirip, duşmanlaryndan aryny alyp berseň,
patyşa senden hiç hili galyň islänok“ diýip
aýdyň» diýdi. (Şeýdip, Şawul piliştlileriň
eli bilen Dawutdan dynmagy ýüregine
düwüpdi.) 26Şawulyň adamlary onuň
sözlerini Dawuda ýetirenlerinde, ol pa-
tyşa giýew boljakdygyna begendi. Heniz
bellenen gün gelip ýetmänkä, 27Dawut öz
adamlary bilen gidip, iki ýüz sany pilişt-
lini öldürdi. Patyşa giýew bolmak üçin, ol
olaryň pürçüklerini başbütin getirip, oňa
berdi. Şondan soň gyzy Mikaly Şawul
Dawuda durmuşa çykardy. 28Emma Reb-
biň Dawut bilen biledigine we öz gyzy
Mikalyň-da oňa aşyk bolandygyna Şawul
aýdyň göz ýetirdi. 29Şoňa görä onuň Da-
wutdan gorkusy has artdy we ol Dawuda
ömürbaky duşman boldy.
30Piliştli goşunbaşylar söweşe çykýar-
dylar. Her söweşde-de Şawulyň beýleki
goşunbaşylaryna garanda, Dawut has
uly ýeňişler gazanýardy. Şunlukda, Da-
wudyň abraýy has artdy.

## 19-njy bap

### *Şawul Dawudyň kastyna çykýar*

1Şawul öz ogly Ýonatana hem-de öz
adamlaryna Dawudy öldürmegi tabşyr-
dy. Emma Ýonatan Dawudy juda gowy
görýärdi. 2Ol Dawuda: «Kakam seni öl-
dürmegi ýüregine düwdi. Ertir daňdan
hüşgär bol; bir amatly ýer tap-da gizlen.
3Menem seniň meýdanda gizlenen ýeri-
ňe bararyn we kakamyň ýanynda durup,
onuň bilen sen hakda gepleşerin. Eger bir
zat aňaýsam, saňa habar bererin» diýdi.
4Ýonatan kakasy Şawulyň ýanynda Da-
wudy taryplap, şeýle diýdi: «Sen öz guluň
Dawuda ýamanlyk etme, çünki sen ondan
hiç bir ýamanlyk görmediň; gaýtam, sen
ondan haýyr gördüň. 5Ol janyny howp
astyna salyp, Jalut piliştli bilen söweşdi.
Şonda Reb tutuş Ysraýyla beýik ýeňiş
getirdi. Sen bu işleri görüp hoşal bolduň.
Şu zatlardan soň nädip sen Dawuda ýa-
manlyk etjek? Ol bigünä ahyryn. Ony
öldürmäge esas ýok». 6Şawul Ýonatanyň
sözüne ynandy we oňa: «Onuň janyna kast
etmejekdigime Rebden ant içýärin» diýdi.

7 Ýonatan Dawudy çagyryp, bu gürrüňle-
ri oňa ýetirdi. Soňra ol Dawudy Şawulyň
ýanyna alyp bardy. Şunlukda, Dawut ýene
öňküsi ýaly Şawula gulluga durdy.
8 Ýene söweşler başlandy. Dawut gi-
dip, piliştliler bilen söweşdi we olary uly
ýeňlişe sezewar etdi; piliştliler gaçmaga
mejbur boldular. 9 Bir gün Şawul eli naý-
zaly öz öýünde otyrdy, Dawudam oňa saz
çalyp berýärdi. Birden Reb tarapyndan
iberilen jyn-arwah Şawulyň üstüne indi.
10 Şawul elindäki naýzasy bilen Dawudy
diwara çüýlemegi ýüregine düwdi. Emma
Dawut naýzanyň öňünden sowlup ýetişdi;
naýza baryp, diwara çümdi. Dawut şol gi-
je ýene-de gaçyp başyny gutardy.
11 Şawul Dawudy ertir daň bilen öl-
dürmek üçin, onuň öýüni garawullaň
diýip, öz adamlaryny iberdi. Aýaly Mi-
kal Dawuda: «Eger-de şu gije başyňy
gutarmasaň, ertir seni öldürerler» diý-
di. 12 Soňra Mikal Dawudy penjireden
çykaryp gaçyryp goýberdi. Ol gaçyp
gizlendi. 13 Mikal bir buty alyp, düşekde
ýatyrdy; onuň başyna tüýli geçi deri-
sini geýdirip, üstüne-de ýapynja atdy.
14 Dawudy tutmak üçin, Şawulyň iberen
adamlaryna Mikal: «Ol syrkawlap ýatyr»
diýdi. 15 Onsoň Şawul: «Dawudy öz gö-
züňiz bilen görüp, ony düşegi bilen bile
alyp geliň, men ony öldürjek» diýip, öz
adamlaryny iberdi. 16 Şawulyň adamlary
düşekde başyna tüýli geçi derisi geý-
dirilen buty görendiklerini oňa habar
berdiler. 17 Şondan soň Şawul Mikaly
çagyryp, oňa: «Näme üçin meni aldap,
meniň duşmanymy gaçyryp goýberip,
oňa gizlenmäge mümkinçilik berdiň?»
diýdi. Mikal oňa: «„Goýbermeseň öldü-
rerin“ diýdi» diýip jogap berdi.
18 Gaçyp başyny gutaran Dawut Ra-
mada ýaşaýan Şamuweliň ýanyna gelip,
Şawulyň özüne edenleriniň baryny oňa
gürrüň berdi. Soňra Şamuwel bilen bile
Naýot galasyna gidip, şol ýerde galdy.
19 Dawudyň Ramadaky Naýot gala-
syndadygyny Şawula habar berdiler.
20 Şawul Dawudy tutup getirmek üçin, öz
adamlaryny iberdi. Olar Şamuweliň ýol-
başçylygynda joşup, pygamberlik edip
ýören pygamberleriň toparyny gördüler.
Şonda Şawulyň adamlarynyň-da üstüne
Hudaýyň Ruhy indi. Şunlukda, olar hem
joşup, pygamberlik etmäge başladylar.
21 Şawul muny eşidip, başga adamlary
iberdi, ýöne olar hem joşup, pygamberlik
edýänlere goşuldylar. Şawulyň üçünji
gezekki iberen adamlary-da öňküleri
ýaly boldular. 22 Ahyrsoňy Rama Şa-
wulyň özi gitdi. Ol Sekudaky ullakan
howdanyň ýanyna baryp: «Şamuwel
bilen Dawut nirede?» diýip, şol ýer-
däkilerden sorady. Olaryň biri: «Olar
Ramanyň Naýot galasynda» diýip jogap
berdi. 23 Şawul Ramanyň Naýot galasyna
tarap barýarka, onuň hem üstüne Huda-
ýyň Ruhy indi. Ol tä Naýota barýança
ýolboýy joşup, pygamberlik edip gitdi.
24 Ol hatda eşiklerini çykaryp, Şamu-
weliň öňünde pygamber ýaly joşdy we
tutuş bir gije-gündizläp ýalaňaç süýnüp
ýatdy. («Şawul hem pygamberleriň ara-
syndamy?» diýleni şondan galandyr.)

## 20-nji bap

### *Ýonatan Dawuda kömek edýär*

1 Dawut Ramadaky Naýot galasyndan
gaçyp gaýtdy we Ýonatanyň ýanyna
gelip, oňa: «Men näme etdim? Meniň
ýazygym näme? Kastyma çykar ýaly,
men seniň kakaňa näme ýamanlyk et-
dim?» diýdi. 2 Ýonatan oňa: «Aýdýanyň
näme?! Sen ölmersiň. Wajyp bolsun,
bolmasyn, parhy ýok, kakam menden
ýaşyryn hiç zat etmeýär. Onsoň muny

näme üçin ýaşyrsyn. Ýok, beýle zat bo-
lup bilmez» diýdi. 3 Dawut hem ant içip,
şeýle diýdi: «Meni sulhuň alýandygyny
kakaň gaty gowy bilýär; kakaň „Muny
Ýonatana eşitdirmeli däl, eger eşidäýse,
ol gynanar“ diýip pikir edýär. Ýöne
Rebden hem senden ant içýärin, indi
men ajalyň öň ýanynda durun». 4 Ýona-
tan Dawuda: «Seniň üçin islän zadyňy
ederin» diýdi. 5 Dawut Ýonatana şeýle
diýdi: «Ertir Täze Aý baýramydyr. Men
patyşa bilen bile nahar edinmelidirin.
Ýöne sen maňa gitmäge we üçünji gün
agşama çenli meýdanda gizlenmäge rug-
sat ber. 6 Eger kakaň meniň ýokdugymy
biläýse, onda oňa: „Dawut öz galasy
Beýtullahama gitmek üçin rugsat sorap,
maňa köp ýalbardy. Çünki olar tutuş
urug bolup gurbanlyk berýän ekenler“
diýersiň. 7 Eger ol „Bolýar“ diýäýse-hä,
guluňa ne ýagşy, emma gaharlanaýsa,
onda onuň niýetini ýamana düwenli-
gidir. 8 Öz guluňa wepaly bol, çünki
biz mukaddes äht edişdik. Eger men
ýazykly bolsam, onda meni özüň öldü-
räý, kakaňyň ýanyna eltip näme etjek?»
9 Ýonatan oňa: «Aýdýanyň näme?! Kaka-
myň saňa ýamanlyk etjegini bilerin-de,
heý, onam saňa aýtmarynmy?!» diýdi.
10 Soňra Dawut: «Eger kakaň gazaba
münäýse, kim ony maňa habar berer?»
diýip, Ýonatandan sorady. 11 Ýonatan
Dawuda: «Ýör, meýdana çykaly» diýdi.
Şeýdip, ol ikisi meýdana çykdylar. 12 Ýo-
natan Dawuda: «Ysraýyl Hudaýy Reb
şaýat bolsun! Men ertir ýa-da birigün şu
wagtlara çenli kakamyň niýetini biljek
bolaryn. Eger sen babatda onuň niýeti
düzüw bolsa, men saňa habar ýetirerin.
13 Emma ol ýamanlyk etmegi ýüregine
düwäýse, menem ony saňa ýetirmesem,
seni sag-salamat ýola salmasam, onda,
goý, Reb maňa-da şony, hatda ondan-da
beterini görkezsin. Reb kakama ýar bolşy
ýaly, saňa-da ýar bolsun. 14-15 Dirikäm
Reb kimin maňa wepaly bol. Ölenim-
den soň bolsa, hatda Reb seniň ähli
duşmanlaryňy ýer ýüzünden ýok etse-
de, meniň neslime hemişe wepaly bol».
16 Şunlukda, «Dawudyň duşmanlarynyň
jezasyny, goý, Rebbiň Özi bersin» diýip,
Ýonatan Dawudyň kowumy bilen äht
edişdi. 17 Ýonatan Dawuda özüne bolan
söýgüsi üçin ýene ant içirtdi, sebäbi ol
Dawudy janyndan hem eziz görýärdi.
18 Soňra Ýonatan Dawuda: «Ertir Täze
Aý baýramy. Seniň ýokdugyň ornuňyň
boşdugyndanam belli bolar. 19 Birigün
uzak ýöräp, git-de, öňki saparky gizlenen
ýeriňde gizlen we daşyň ýanynda ma-
ňa garaş. 20 Nyşana atan ýaly edip, men
şol daşa tarap üç sany peýkam ataryn.
21 Soňra men: „Bar, oklary tap-da getir“
diýip, bir ýetginjegi ibererin. Eger men
oňa: „Oklar, hanha, bu tarapyňda, olary
toplap getir“ diýäýsem, onda gelersiň.
Rebden ant içýärin, bu seniň üçin howp-
hatar ýok diýildigidir. 22 Emma men
ýetginjege: „Oklar, hanha, aňyrrakda“
diýäýsem, onda gaçgyn, çünki bu Reb
seni ýola salýar diýildigidir. 23 Biziň
biri-birimiz bilen edişen ähtimize, goý,
Reb ebedilik şaýat bolsun» diýdi.

24 Şeýdip, Dawut meýdanda gizlen-
di. Täze Aý baýramçylygy başlananda,
patyşa gelip, saçak başyna geçdi. 25 Ol
adatdakysy ýaly diwara golaý ýerde
ornaşdy. Ýonatan onuň garşysynda otur-
dy [a], Abner bolsa Şawulyň gapdalynda
oturdy, Dawudyň orny boş durdy. 26 Ol
gün Şawul sesini çykarmady, çünki ol:
«Oňa bir zat bolandyr. Ol haramdyr,

[a] **20:25** ***Oturdy*** – käbir golýazmalarda *durdy*.

hawa, hakykatdan-da, ol tämiz däldir»
diýip oýlandy. 27Emma Täze Aý baýra-
mynyň ertesi güni hem Dawudyň orny
boşdy. Şawul ogly Ýonatana: «Ýyşaýyň
ogly näme baýramçylykda düýnem, bu
günem görünmedi?» diýdi. 28-29Ýona-
tan Şawula şeýle jogap berdi: «Dawut:
„Maňa rugsat bersene. Galada biziňkiler
urug bolup gurbanlyk berjekler; agam
maňa gelsin diýipdir. Eger meni sylaýan
bolsaň, onda rugsat ber, gidip, agalarymy
göreýin“ diýip, Beýtullahama gitmek
üçin özelenip ýalbardy. Şonuň üçin hem
ol patyşanyň naharyna gelip bilmedi».
30Muny eşiden Şawul Ýonatany gazap
bilen dalady: «Wah, hyýanatkär hem
azgyn aýalyň dogmasy! Özüň hem-de
ýalaňaç ejeň bihaýa bolmadyk bolsaňyz,
sen Ýyşaýyň ogluny dost tutunarmy-
dyň? Käşgä, men ony bilmeýän bolsam!
31Ýyşaýyň ogly ýer ýüzünde diri gezip
ýörse, özüňe-de, patyşalygyňa-da ra-
hatlyk bolmaz. Häziriň özünde adam
iber-de, ony meniň ýanyma getirt, onuň
başy ölümli». 32Soňra Ýonatan kaka-
sy Şawula: «Ol näme üçin ölmeli? Ol
näme etdi?» diýdi. 33Şol wagt Ýonata-
ny öldürmegi ýüregine düwüp, Şawul
naýzasyny oňa tarap zyňdy. Ýonatan öz
kakasynyň Dawudyň janynyň kastyna
ymykly çykandygyna şonda düşünip
galdy. 34Ýonatan gazap bilen saçagyň
başyndan turdy we kakasynyň Dawu-
dy pisint etmeýändigine gaty gynanyp,
aýyň ikinji güni hiç zat iýmedi. 35Ýanyna
bir oglanjyk alyp, Dawut bilen duşuşmak
üçin ol daň bilen meýdana tarap gitdi.
36Ýonatan oglanjyga: «Bar, ylga, şu
oky tapyp getir» diýdi. Oglanjyk ylgap
gitdi. Ýonatan onuň üstaşyry ýaýyny
atyp goýberdi. 37Oglanjyk Ýonatanyň
atan okunyň düşen ýerine ýetende: «Ok
aňyrrakda dälmi näme? 38Bol basymrak,
eglenme» diýip, Ýonatan oglanjygyň
yzyndan gygyrdy. Ol oglanjyk oklary
çöpleşdirip, öz hojaýynyna getirip berdi.
39Oglanjygyň hiç zatdan habary ýokdy.
Muny diňe Ýonatan bilen Dawut bilýärdi.
40Ýonatan ýaraglaryny oglanjyga berip:
«Al, şulary gala äkit» diýdi. 41Oglanjyk
giden badyna Dawut günorta tarap-
dan peýda boldy. Ol ýüzüni ýere berip,
üç gezek tagzym etdi. Soňra Ýonatan
ikisi ogşaşyp aglaşdylar. Dawut has
köp aglady. 42Soňra Ýonatan Dawuda:
«„Özümize hem-de neslimize Reb ebe-
dilik şaýat bolsun“ diýip, ikimiz hem
Rebden äht edişdik ahyryn. Bar, indi
sen arkaýyn gidiber» diýdi. 43Şondan
soň Dawut öz ýoluna gitdi, Ýonatan
bolsa gala dolandy.

## 21-nji bap

### *Dawut Şawuldan gaçýar*

1Dawut Ahymelek ruhanynyň ýanyna
Nop galasyna geldi. Ahymelek gorku-
dan ýaňa sandyr-sandyr edip, Dawudy
garşylamaga çykdy. Ol Dawuda: «Nä-
me üçin ýeke özüň geldiň? Näme üçin
ýanyňda hiç kim ýok?» diýip sorady.
2Dawut Ahymelege: «Patyşa maňa bir
ýumuş tabşyrdy. Ol: „Senden iberen bu
ýumşum hakda hiç kim hiç zat bilmeli
däldir“ diýdi. Şoňa görä, öz ýigitlerim
bilen hem duşuşar ýaly ýer belleşdik.
3Häzir ýanyňda nämäň bar? Maňa
bäş sany çörek ýa-da ýanyňda başga
nämäň bar bolsa ber» diýdi. 4Ruhany
oňa: «Mende adaty çörek ýok. Men-
de diňe Rebbe hödür edilen çörek bar.
Eger ýanyňdaky ýigitler golaýda aýala
ýanaşmadyk bolsalar, siz ony iýip biler-
siňiz» diýdi. 5Dawut ruhana şeýle jogap
berdi: «Hawa, meniň, adatça, sapara
gaýdanymda edişim ýaly, biz aýal bilen

ýatmadyk. Ýanymdaky ýigitler ýönekeý
sapara çykanlarynda-da inlerini päk
saklaýarlar. Onsoň, olaryň öz inlerini
bu gezek nähili päk saklajakdyklaryny
biliber!» 6Şundan soň ruhany Rebbe
hödür edilen çöreklerden başga çörek
ýokdugy üçin oňa mukaddes çörekleri
berdi. Bu çörekler şol gün gyzgyn çö-
rekler bilen çalşyrylypdy.

7Şawulyň çopanlarynyň başlygy
edomly Döweg hem bu gün şol ýerde-
di. Ol Rebbiň huzurynda dini dessurlary
berjaý edýärdi. 8Dawut Ahymelege:
«Ýanyňda naýza ýa gylyç ýokmy? Paty-
şanyň tabşyrygy juda gyssagly bolansoň,
ýanyma ne gylyjymy alyp ýetişdim, ne-
de başga ýaragymy» diýdi. 9Ahymelek
oňa: «Ela jülgesinde seniň eliňden ölen
Jalut piliştliniň gylyjy şu ýerde, efodyň
ýeňsesinde mata dolangy ýatyr. Eger is-
leseň, şony alaý. Bu ýerde şondan başga
ýarag ýok» diýdi. Dawut oňa: «Ondan
gowy ýarag bolmaz, şony beräý» diýdi.
10Dawut Şawuldan gaçyp, şol gün Ga-
tyň hany Akyşyň ýanyna gitdi. 11Akyş
hanyň adamlary oňa: «Bu Ysraýylyň
patyşasy Dawut dälmi?

„Şawul müňüsini öldürdi,
Dawut bolsa on müňüsini“

diýşip, ol hakda aýallar aýdym aýdyp,
tansam edipdiler-ä» diýdiler. 12Bu sözler
Dawudy uly iňkise goýdy we ol Gat hany
Akyşdan juda gorkdy. 13Şeýlelikde, Da-
wut olaryň ýanynda öz bolşuny üýtgetdi.
Olaryň ýanynda ol özüni dälilige saldy,
derwezäniň gapylaryny dyrnaçaklap,
olaryň ýüzüni persala etdi; sakgalyna
ernininiň suwuny akdyran boldy. 14Akyş
han adamlaryna: «Oňa bir seretseňizläň,
ol däli ahyryn. Näme üçin ony meniň
ýanyma getirdiňiz? 15Näme özümde
däli kemterlik edýändir öýdýäňizmi?
Ýa onuň däliligine tomaşa etsin diýip
getirdiňizmi? Heý, şeýle adamam bir
meniň howlyma girmelimi?» diýdi.

## 22-nji bap

1Dawut ol ýerden Adullam gowagy-
na gaçdy. Dawudyň agalary hem onuň
atasynyň tutuş maşgalasy muny eşidip,
onuň ýanyna geldiler. 2Ezilýänler, ber-
gi-borja batanlar hem närazylaryň ählisi
onuň ýanyna ýygnanyşdylar. Şeýdip,
Dawut ýanyna ýygnan dört ýüze golaý
adama baştutan boldy. 3Dawut ol ýerden
Mowapdaky Mispä gitdi. Ol Mowap
patyşasyna: «Hudaýyň meni näme et-
jegi belli bolýança, kakam bilen ejemi
öz ýanyňyzda saklap bilmezmisiňiz?»
diýdi. 4Şeýdip, Dawut kakasy bilen eje-
sini Mowap patyşasynyň ýanyna getirdi.
Dawudyň gowakda bolan döwründe olar
onuň ýanynda boldular. 5Gat pygam-
ber Dawuda: «Gowagy taşla, Ýahuda
ýurduna git» diýdi. Şoňa görä Dawut
ol ýerden çykyp, Heret tokaýyna gitdi.

### *Şawul Nop galasynyň ruhanylaryny öldürýär*

6Dawudyň we onuň ýanyndakylaryň
tapylandygyny Şawul eşitdi. Ol Gibga-
daky bir depede, ýylgynyň aşagynda
otyrdy; elinde naýzasy bardy, nökerle-
riniň ählisi onuň daşyny alyp durdular.
7Şawul ýanyndaky nökerlerine şeýle
diýdi: «Eý, benýaminler – tiredeşlerim,
indi gulak asyň. Ýyşaýyň ogly siziň her
biriňize meýdanlar, üzümçilikler berer-
mikä, ol sizi müňbaşylar hem ýüzbaşylar
edermikä? 8Şonuň üçin meniň garşyma
dildüwşük guradyňyzmy? Oglumyň
Ýyşaýyň ogly bilen ülpet bolandygy-
ny maňa habar bereniňiz bolmady. Bu
günki gün, görşüňiz ýaly, oglum öz nö-
kerimi meniň garşyma duzak gurmaga
iteklände, biriňiziň-de maňa nebsiňiz

agyrmady, ol hakda maňa dil ýarmady-
ňyz». 9 Şol wagty Şawulyň nökerleriniň
gapdalynda duran edomly Döweg:
«Ýyşaýyň oglunyň Nop galasyndaky
Ahytubyň ogly Ahymelegiň ýanyna ge-
lenini gördüm. 10 Ol Dawut üçin Rebbe
ýüz tutup, onuň sapary barada sorady
we oňa azyk hem-de Jalut piliştliniň gy-
lyjyny berdi» diýdi. 11 Şawul Ahytubyň
ogly Ahymelek ruhanyny, onuň tutuş
maşgalasyny – Nop galasyndaky ähli
ruhanylary getirmek üçin adam iberdi.
Olaryň ählisi patyşanyň ýanyna geldiler.
12 Şawul Ahymelege: «Indi maňa gulak
as, eý, Ahytubyň ogly» diýdi. Ol: «Gulak
asýaryn, hökümdarym» diýdi. 13 Şawul
oňa şeýle diýdi: «Näme üçin Ýyşaýyň
ogly ikiňiz meniň garşyma dildüwşük
guradyňyz? Näme üçin sen oňa çörek-
dir gylyç berdiň we onuň üçin Hudaýa
ýüz tutup, onuň sapary barada soradyň?
Görşüň ýaly, şeýdip, ol meniň garşyma
duzak gurdy». 14 Ahymelek Şawula şeýle
jogap berdi: «Dawut seniň nökerleriňiň
iň wepalysy ahyryn. Ol seniň giýewiň,
baş janpenaň hem-de seniň köşgüňde
iň hormatly adamdyr. 15 Hudaýa ýüz
tutup, Dawut barada bu meniň ilkinji
gezek soraýşymmy näme? Ýok, meniň
özümi-de, meniň atamyň maşgalasyndan
kimdir başga birini-de, goý, patyşahym
günäkärlemesin. Seniň guluňyň bu işden
düýbünden habary ýokdur». 16 Patyşa:
«Ahymelek, seniň özüňiň-de, ataňyň
maşgalasynyň-da öljegine şek ýokdur»
diýdi. 17 Patyşa ýanynda duran janpena-
syna: «Bol, Rebbiň ruhanylaryny öldür,
sebäbi olaram Dawudy goldaýarlar. Olar
onuň gaçyp ýörenini bilibem, maňa
habar bermändirler» diýdi. Ýöne paty-
şanyň nökerleri Rebbiň ruhanylaryna el
götermediler. 18 Soňra patyşa ruhanylary
öldürmegi Döwege buýurdy. Edomdan
bolan Döweg ruhanylary gyrdy. Şol
gün ol nepis zygyr matadan tikilen efot
geýnen segsen bäş ruhanyny öldürdi.
19 Şawul ruhanylaryň galasy bolan Nop
galasyny gylyçdan geçirdi, ol erkekdir
aýallary, çaga-çugalary, mal-garalary,
eşekleri, dowarlary – hemmesini gy-
lyçdan geçirdi.
20 Ýöne Ahytubyň agtyklarynyň bi-
ri, Ahymelegiň ogullarynyň biri bolan
Abýatar gaçyp, başyny gutardy we
Dawudyň yzyndan gitdi. 21 Abýatar
Şawulyň Rebbiň ruhanylaryny gyrgy-
na berendigini Dawuda habar berdi.
22 Dawut Abýatara şeýle diýdi: «Ol ýerde
edomly Döwegi görüp, men onuň Şawula
habar berjekdigini şol gün anyk bildim.
Seniň ataňyň tutuş maşgalasynyň ölümi
üçin men günäkär. 23 Meniň ýanymda gal,
özüňem gorkma, çünki meniň kastyma
çykanyň, seniň hem kastyňa çykdygydyr,
emma sen meniň penamdasyň».

## 23-nji bap

### *Dawut Kegila galasyny halas edýär*

1 «Piliştliler Kegila hüjüm edip, har-
manlary talap ýörler» diýip, Dawuda
habar berdiler. 2 Dawut Rebden: «Gidip,
piliştliler bilen söweşeýinmi?» diýip so-
rady. Reb Dawuda: «Bar, piliştliler bilen
söweşe gir-de, Kegilany halas et» diýip
jogap berdi. 3 Ýöne adamlary Dawuda:
«Biz bu ýerde – Ýahudada gorkuşyp
ýörkäk, Kegila – piliştli goşunyň üstüne
nähili baraly?» diýdiler. 4 Dawut ýene
Rebbe ýüz tutdy. Reb oňa: «Hawa, Kegila
git, piliştlileri seniň eliňe berjek» diýdi.
5 Şeýlelikde, Dawut bilen onuň adamlary
Kegila gidip, piliştliler bilen söweşdiler,
olaryň mallaryny sürüp äkitdiler, olary
agyr heläkçilige sezewar etdiler. Ine, şeý-
dip, Dawut Kegilanyň ilatyny halas etdi.

[6] Ahymelegiň ogly Abýatar gaçyp,
Dawudyň ýanyna gelende, onuň elinde
efot bardy.

[7] Dawudyň Kegila gelendigini Şawu-
la habar berdiler. Şawul: «Ony Hudaý
meniň elime berdi, çünki ol meniň der-
wezeli, kiltli galama girip, öz-özüni tora
salypdyr» diýdi. [8] Kegila gidip, Dawudy
gabawa salmak üçin, Şawul tutuş halky
urşa çagyrdy. [9] Şawulyň niýetiniň ýaman-
dygyny bilende, Dawut ruhany Abýatara:
«Efody getir, Hudaýyň islegini bileli» diý-
di. [10] Dawut: «Eý, Ysraýyl Hudaýy Reb!
Şawulyň men guluň sebäpli Kegilany ýok
etmek üçin gelýändigini eşitdim. [11] Indi
şeýdip, Öz guluňyň eşidişi ýaly, Şawul
gelermi? Eý, Ysraýyl Hudaýy Reb, gulu-
ňa aýdaý!» diýdi. Reb: «Ol geler» diýdi.
[12] Soňra Dawut: «Kegilanyň halky meni
we adamlarymy Şawulyň eline berermi?»
diýdi. Reb: «Berer» diýdi. [13] Dawut alty
ýüze golaý adamy bilen bile Kegiladan
çykdy. Olar baryp bilen ýerlerine çenli
saklanman ýörediler. Dawudyň Kegi-
ladan gaçandygyny eşidende, Şawul ol
ýere gitmek niýetinden el çekdi.

### *Dawut çölde gizlenýär*

[14] Dawut çöldäki gowaklarda, Zip çö-
lündäki daglykda ýaşady. Şawul ony her
gün agtardy, ýöne Reb Dawudy onuň
eline bermedi. [15] Şawulyň öz kastyna
çykandygyny Dawut Horeşdäki Zip
çölündekä eşitdi. [16] Şawulyň ogly Ýo-
natan Dawudyň yzyndan Horeşe geldi.
Ol Dawudy Hudaýyň adyndan ruhlan-
dyrdy. [17] Ýonatan oňa: «Sen kakamyň
eline düşerin öýdüp gorkma. Sen tutuş
Ysraýyla patyşa bolmalysyň, men seniň
weziriň bolmalydyryn. Muny kakamam
bilýär» diýdi. [18] Soňra ol ikisi Rebbiň
öňünde äht edişdiler. Dawut Horeşde
galdy, Ýonatan bolsa öýüne gitdi.

[19] Soňra birnäçe zipliler Gibga gidip, Şa-
wula: «Dawut biziň aramyzda – Horeşiň
gowaklarynda, Ýeşimonyň günortasyn-
daky Hakyla dagynda gizlenip gezip ýör.
[20] Eý, patyşa, islän wagtyň gel! Ony tutup,
seniň eliňe bermek biziň bilen» diýdiler.
[21] Şawul olara şeýle diýdi: «Derdimi
paýlaşanyňyz üçin Reb sizi ýalkasyn!
[22] Gidiň-de, ýene bir gezek nirededigine
anyk göz ýetiriň; ony kimiň görendigini
ykjam anyklaň. Aýdyşlaryna görä ol juda
mekir bolmaly. [23] Onuň gizlenip biläýjek
ýerleriniň ählisini gözden geçiriň we any-
gyna ýetiň-de, maňa belli habar getiriň.
Şondan soň men siziň bilen bile giderin.
Eger ol ýurduň bir ýerinde bar bolsa, men
ony tutuş Ýahudadan taparyn». [24] Şeýle-
lik bilen Şawuldan öň olar Zipe gitdiler.

Dawut adamlary bilen Magon çölün-
de, Ýeşimonyň günortasyndaky Araba
düzlügindedi. [25] Şawul bilen onuň adam-
larynyň öz gözlegine çykandyklaryny
eşiden Dawut Magon çölündäki gaýa
gelip, şol ýerde ornaşdy. Muny eşidip,
Şawul Magon çölüne Dawudyň yzyn-
dan gitdi. [26] Şawul dagyň bir tarapyndan,
Dawut bolsa adamlary bilen dagyň beý-
leki tarapyndan barýardy. Şawul bilen
onuň adamlarynyň Dawudy we onuň
adamlaryny gabawa salmaklaryna az
wagt galypdy, Dawut gaçmaga how-
lugýardy. [27] Şol wagt bir çapar gelip:
«Howluk, ýurda piliştliler çozdy» diýip,
Şawula habar berdi. [28] Şawul Dawudyň
yzyndan kowmagyny bes edip, piliştli-
ler bilen söweşmäge gitdi. Şoňa görä bu
ýer «Gaçyş gaýasy» diýip atlandyryldy.

## 24-nji bap

### *Dawut Şawula rehimdarlyk edýär*

[1] Dawut ol ýerden gidip, Eýngedi top-
ragyndaky gowaklarda mesgen tutdy.

2Şawul piliştlileri kowmakdan gaýdyp
gelende, «Dawut Eýngedi çölünde» di-
ýip, oňa habar berdiler. 3Şawul tutuş
Ysraýylyň saýlama adamlaryndan üç
müňüsini ýanyna alyp, Dawudy hem
onuň adamlaryny idäp, Daggeçi gaýasyna
tarap ýola düşdi. 4Ol ýoluň ýakasyndaky
dowar agyllaryna geldi. Şol ýerde bir
gowak bardy. Şawul aýak ýoly üçin şol
gowagyň içine girdi. Şol wagt Dawut
adamlary bilen bile gowagyň töründe
otyrdy. 5Adamlary Dawuda ýüzlenip:
«Rebbiň saňa „Duşmanyňy eliňe bererin,
sen oňa islän zadyňy edersiň“ diýen güni,
ine, şu gündür» diýdiler. Dawut assyryn-
lyk bilen baryp, Şawulyň donunyň synyny
kesdi. 6Muňa Dawudyň ýüregi gopan ýaly
bolup gitdi. 7Ol adamlaryna şeýle diýdi:
«Jenabyma, Rebbiň saýlan adamyna beýle
zat etmekden, oňa garşy el götermekden
Rebbiň Özi saklasyn, çünki ol Rebbiň
seçip-saýlanydyr». 8Şeýdip, Dawut öz
adamlaryna käýedi we olara Şawulyň gar-
şysyna uruşmaga rugsat bermedi. Şawul
bolsa gowakdan çykyp, öz ýoluna gitdi.
9Soňra Dawut hem gowakdan çykdy-
da: «Eý, jenabym, patyşahym!» diýip,
Şawulyň yzyndan gygyrdy. Şawul yzyna
garanda, Dawut ýüzüni ýere berip, oňa
tagzym etdi. 10Soňra ol Şawula: «„Dawut
saňa ýamanlyk etmek isleýär“ diýýänle-
riň sözüne näme üçin ynanýarsyň? 11Şu
gün gowagyň içinde Rebbiň özüňi meniň
elime berendigini öz gözleriň bilen gör-
düň. Seni öldürmegi talap edenlerinde-de,
men saňa rehim etdim. Men olara: „Öz je-
nabyma el galdyrmaryn, çünki ol Rebbiň
Öz seçip-saýlanydyr“ diýdim. 12Eý, atam,
donuňdan kesilen elimdäki şu kesindini
görýäňmi, ine, seret. Donuňyň synyn-
dan kesip aldym, ýöne seni öldürmedim.
Saňa ýamanlyk etmek ýa-da haýynlyk
etmek niýetimiň ýokdugy şundan hem
belli ahyryn. Meni öldürmek üçin aňtap
ýörenem bolsaň, men seniň öňüňde gü-
nä gazanmadym. 13-14Ikimize, goý, Reb
kazylyk etsin. Meniň arymy senden, goý,
Reb alsyn. Köneleriň „Ýamanlyk ýaman-
dan çykar“ diýişleri ýaly, men saňa garşy
el götermerin. 15Ysraýyl patyşasy kimiň
garşysyna çykdy? Sen kimi yzarlap ýör-
süň? Haýsydyr bir itiň maslygynymy ýa
bir büränimi? 16Goý, bize Reb kazylyk
etsin we hüküm çykarsyn. Goý, muňa
Onuň Özi seretsin, meni gorasyn we meni
seniň eliňden halas etsin». 17Dawut sözü-
ni gutaranda, Şawul: «Dawut, oglum, bu
asyl senmidiň?» diýip, möňňürip aglady.
18Ol Dawuda şeýle diýdi: «Sen menden
adalatly ekeniň. Ýamanlygyma ýagşylyk
bilen jogap berdiň. 19Şu gün sen özüňiň
maňa garaýşyňyň gowudygyny görkez-
diň. Reb meni seniň eliňe berse-de, sen
meni öldürmänsiň. 20Heý, duşmanyny ele
salan adamam bir ony aman goýarmy?!
Seniň maňa şu günki edeniňi Reb ýagşy-
lyk bilen gaýtarar. 21Seniň hökman patyşa
bolmalydygyňy, Ysraýyl patyşalygynyň
seniň eliňde berkarar boljakdygyny men
häzir bildim. 22Men ölenimden soň nesil-
lerimi ýok etmejekdigiňe, adymy atamyň
neslinden aýyrmajakdygyňa Rebden ant
iç». 23Şawulyň diýşi ýaly, Dawut onuň
öňünde ant içdi. Şondan soň Şawul öýüne
gitdi, Dawut bolsa adamlary bilen bile
gowaga tarap gaýtdy.

### 25-nji bap

***Dawut we Abygaýyl***

1Şamuwel aradan çykdy; bütin Ysraýyl
ýygnanyp, onuň ýasyny tutdy. Ony Ra-
madaky öz mülkünde jaýladylar. Şondan
soň Dawut Paran çölüne gitdi.
2Magonda bir adam bardy. Onuň mülki
Karmeldedi. Ol adam juda baýdy; onuň

üç müň goýny, müň geçisi bardy. Ol
Karmelde goýunlaryny gyrkdyrýardy.
3Onuň ady Nabal, aýalynyň ady Aby-
gaýyldy. Aýaly akylly hem görmegeýdi,
ýöne onuň özi deýýus hem hyrsyz adam-
dy. Ol Kalep neslindendi. 4Nabalyň öz
goýunlaryny gyrkdyrýandygyny Dawut
çölde eşitdi. 5Şonda Dawut on ýigidini
şeýle tabşyryk bilen onuň ýanyna iberdi:
«Karmele gidiň. Nabalyň ýanyna ba-
ryň-da, oňa menden salam aýdyň 6we
şeýle diýiň: „Özüňiň, maşgalaňyň we
ähliňiziň başyňyz abat bolsun! 7Men
seniň gyrkymdadygyňy eşitdim. Seniň
çopanlaryň biziň ýanymyzda boldular,
biz olary ynjytmadyk. Karmelde bolan
döwürlerinde olaryň hiç zady ýitmedi.
8Öz ýigitleriňden sorasaň aýdarlar. Indi
senem meniň ýigitlerim bilen mylakatly
bol, çünki biz ýanyňa sähetli güni gel-
dik. Öz gullaryňa hem ogluň Dawuda
nämäň bar bolsa bermegiňi towakga
edýärin“».

9Dawudyň ýigitleri Nabalyň ýanyna
baryp, ýaňky aýdylanlaryň ählisini Da-
wudyň adyndan oňa aýtdylar-da, ondan
jogaba garaşdylar. 10Ýöne Nabal Da-
wudyň ýigitlerine şeýle jogap berdi:
«Dawut diýýäniňiz kim ol? Ýyşaýyň
ogly diýýäniňiz kim? Häzir öz hoja-
ýynyndan gaçyp ýören hyzmatkär kän.
11Çöregimi, suwumy, gyrkymçylar üçin
soýan malymyň etini getirip, nirelidi-
gini-de bilmeýän adamlaryma berip
goýberibereýinmi, hä?» 12Şunlukda,
Dawudyň ýigitleri yzlaryna dolandylar
we gelip, bularyň hemmesini Dawuda
aýtdylar. 13Dawut ýigitlerine: «Ähliňiz
gylyjyňyzy dakynyň» diýdi. Olaryň
ählisi gylyjyny dakyndy, Dawut hem
gylyjyny dakyndy. Dört ýüze golaý adam
Dawudyň yzyna düşdi, iki ýüz adam
bolsa goşlaryň ýanynda galdy.

14Emma bir ýigit Nabalyň aýaly Aby-
gaýyla şeýle diýdi: «Biziň hojaýynymyza
salam aýtmak üçin, Dawut çölden ça-
parlar ýollapdyr. Emma hojaýynymyz
olary kemsitdi. 15Olar bize kän ýagşylyk
edipdiler, bizi ynjytmandylar. Olaryň
ýanynda bolan döwrümizde biziň hiç
zadymyz ýitmändi. 16Bile goýunlarymy-
zy saklanymyzda, olar biziň daşymyzyň
galasy bolupdylar. 17Indi şuny bil-de,
näme etmelidigiň hakda oýlan, çünki
biziň hojaýynymyza we onuň tutuş maş-
galasyna garşy erbet karara gelnendir.
Nabalyň häsiýeti juda ýaramaz, onuň
bilen gepleşip bilýän adam ýok».

18Şundan soň Abygaýyl wagt ýitirmän,
iki ýüz çörek, iki tulum şerap, bäş goýnuň
gowurdagyny, bir batman gowurgany [a],
ýüz goşawuç kişmişi, iki ýüz goşawuç
injir kişdesini aldy-da, olary eşeklere
ýükledi. 19Ol hyzmatkärlerine: «Öňüme
düşüň, men siziň yzyňyzdan ýörejek»
diýdi. Ýöne ol adamsy Nabala hiç zat
aýtmady. 20Abygaýyl dagyň ýapgyt tara-
pyndan eşekli inip gelýärkä, Dawut hem
adamlary bilen oňa tarap gelýärdi. Şeýdip,
olar duşuşdylar. 21Şol wagt Dawut içini
gepledip gelýärdi: «Haýp, çölde men bu
adamyň ähli emlägini gorapdyryn. Onuň
ýeke zady-da ýitmändi. Emma ol meniň
ýagşylygyma ýamanlyk bilen jogap berdi.
22Eger daň atýança onuň erkek göbeklisi-
niň baryny gyrmasam, onda, goý, Hudaý
maňa-da şony, hatda ondan-da beterini
görkezsin». 23Abygaýyl Dawudy gören-
de, eşekden howlukmaç düşdi-de, ýere
ýüzin düşüp, oňa tagzym etdi. 24Ol Da-
wudyň aýagyna ýykylyp, şeýle diýdi:
«Günäsi, goý, meniň boýnuma bolsun,

[a] **25:18** ***Bir batman gowurga*** – ýewreýçe *bäş siýah gowurga*. Bu takm. 20 kg deňdir.

agam. Özüň bilen gepleşmäge gyrnagyňa
ygtyýar et, onuň iki agyz sözüni diňle.
25 Haýyş edýärin, agam, bu nejis Nabalyň
sözlerini göwnüňe alma. Onuň özi-de
ady ýalydyr. Onuň ady Nabal, özi-de
akmak[a]. Men keniziň agamyň, ýagny
seniň iberen nökerleriňi görmändirin.
26 Seni gan dökmekden we ar almakdan
Rebbiň Özi saklapdyr. Indi, eý, agam,
Rebden we seniň adyňdan ant içýärin,
agam, saňa ýamanlyk etmek isleýän duş-
manlaryň, goý, Nabal ýaly bolsun. 27 Ine,
şu sowgatlary gyrnagyň seniň ýigitleriňe
bermek üçin agasyna getirdi. 28 Öz gyrna-
gyňyň hyýanatçylygyny bagyşla. Rebbiň
agamyň neslini abat etjegi şübhesizdir,
sebäbi agam Reb üçin göreşýär. Ömür-
boýy senden ýamanlyk çykmaz. 29 Eger
kimdir biri agamy yzarlasa ýa-da janyna
kast etse, onda janyňy Hudaýyňyz Reb-
biň aman saklasyn, duşmanlaryňy bolsa
sapandan daş atan kimin edip öldürsin.
30-31 Sen agam barada aýdan ähli ýagşylyk-
laryny ýerine ýetirip, Reb seni Ysraýyla
hökümdar bellände, onda sen nähak gan
dökmek ýa-da özüňi goramak üçin has-
rata sebäp bolmarsyň, ynsabyň-da saňa
yza bermez. Reb özüňi ýalkanda, gyr-
nagyňy ýatlagyn». 32 Dawut Abygaýyla
şeýle diýdi: «Şu gün meni saňa duşuran
Ysraýyl Hudaýy Rebbe alkyş bolsun!
33 Paýhasyňa berekella, özüňe berekella.
Bu gün gan dökmekden hem öç almakdan
meniň ellerimi sen sakladyň! 34 Dogru-
syny aýtsam, size hasrat getirmekden
meni saklan Ysraýyl Hudaýy Rebden
ant içýärin, eger sen haýal etmän meniň
ýanyma gelmedik bolsadyň, onda daň at-
ýança Nabalyň ýekeje erkek göbeklisini
goýman gyrjagym şübhesizdi». 35 Soňra
Dawut onuň getiren zatlaryny aldy-da:
«Arkaýyn öýüňe gaýdyber; sözüň kabul
boldy, haýyşyň bitdi» diýdi.

36 Abygaýyl Nabalyň ýanyna gaýdyp
geldi. Ol öýünde şalarça meýlis gurap
otyrdy. Ol çendenaşa serhoşdy, keýpi
diýseň çagdy. Şoňa görä, daň atýança
Abygaýyl oňa dil ýarmady. 37 Ertesi irden,
serhoşlykdan açylansoň, bolan işleriň
baryny aýaly oňa gürrüň berdi. Bu zat-
lary eşiden Nabalyň ýüreginden tutdy,
ol doňňara daşa döndi. 38 On gün çemesi
wagtdan soň Reb Nabaly urdy; ol öldi.

39 Nabalyň ölendigini eşidende, Da-
wut şeýle diýdi: «Meni kemsideni üçin,
Nabaly günäkär saýan we Öz guluny
ýaman işden saklan Rebbe alkyş bolsun!
Reb Nabalyň ýaman niýetini onuň öz
başyndan inderdi».

Dawut Abygaýyla öýlenmek üçin oňa
sawçy iberdi. 40 Dawudyň adamlary Kar-
mele Abygaýylyň ýanyna gelip, oňa:
«Dawut bizi saňa sawçylyga iberdi»
diýdiler. 41 Ol ýerinden turdy-da, dyza
çöküp tagzym etdi we şeýle diýdi: «Ke-
niziňiz jenabymyň gullarynyň aýagyny
ýuwmaga-da taýyn». 42 Abygaýyl dessine
eşege mündi. Ol bäş kenizini ýanyna
alyp, Dawudyň sawçylarynyň yzyna
düşdi. Şeýdip, ol Dawudyň aýaly boldy.

43 Dawut ýizregelli Ahynogama-da
öýlendi. Bularyň ikisi-de onuň aýaly
boldy. 44 Şawul bolsa Dawuda beren
gyzy Mikaly gallymly Laýyşyň ogly
Palta berdi.

## 26-njy bap

### *Dawut Şawula ýene-de rehimdarlyk edýär*

1 Zipliler ýene-de Şawulyň ýanyna
Gibga gelip: «Dawut Ýeşimon çölüniň

[a] **25:25** ***Nabal, özi-de akmak*** – ýewreýçe *Nabal* we *akmak* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

garşysyndaky Hakyla dagynda gizlen-
ýär» diýip, oňa habar berdiler. 2 Şawul
Ysraýylyň üç müň sany men diýen ada-
myny ýanyna alyp, Zip çölüne Dawudy
tutmaga gitdi. 3 Şawul ýoluň golaýyn-
daky Ýeşimonyň garşysynda bolan
Hakyla dagynda düşelge gurdy. Emma
Dawut çölde galypdy. Şawulyň öz yzyn-
dan çöle gelendigini bilende, 4 Dawut
jansyzlar iberip, Şawulyň hakykatdan
hem gelendigini anyklady. 5 Soňra Da-
wut Şawulyň düşelge guran ýerine geldi.
Ol Şawulyň öz goşunbaşysy Neriň ogly
Abner bilen bir ýerde bile ýatandygyny
gördi. Şawul düşelgäniň içinde ýatyrdy,
goşun bolsa onuň töwereginde düşelge
gurupdy.

6 Dawut hetli Ahymelek bilen Ýowabyň
inisi Seruýanyň ogly Abyşaýa: «Haýsy-
ňyz meniň bilen Şawulyň düşelgesine
gitjek?» diýip sorady. Abyşaý: «Men
gitjek» diýdi. 7 Şeýlelikde, Dawut bilen
Abyşaý ikisi gije goşuna tarap gitdi. Şa-
wul düşelgede uklap ýatyrdy, başujunda
bolsa ýere sünjülen naýzasy bardy. Abner
bilen goşun onuň daş-töweregini alyp
ýatyrdy. 8 Abyşaý Dawuda: «Hudaý bu
gün duşmanyňy eliňe berdi. Indi maňa
ygtyýar et: naýzany bir salanda, ony
ýere çüýläýin – men ony ikinji geze-
ge goýjak däl» diýdi. 9 Emma Dawut
Abyşaýa: «Ony öldürme, sebäbi Rebbiň
seçip-saýlan adamyna el götermek günä
bolar» diýdi. 10 Dawut oňa ýene şeýle
diýdi: «Rebden ant içýärin, ony ýa Reb
urar, ýa ol öz ajalyna öler ýa-da söweşde
öler. 11 Rebbiň seçip-saýlan adamyna el
götermekden meni Rebbiň Özi saklasyn.
Ýöne sen onuň başujundaky naýzany,
suw küýzäni al, soň bu ýerden ökjäni
götereli». 12 Şeýlelikde, Dawut Şawulyň
başujundaky naýzany, suw küýzäni al-
dy. Soňra olar gitdiler. Muny görenem,
duýanam bolmady, hiç kim oýanmady
hem. Olar uklap ýatyrdylar. Reb olary
agyr uka gideripdi.

13 Soňra Dawut başga tarapa gitdi we
uzagrakdaky baýryň depesine çykyp
saklandy. Ara ep-esli bardy. 14 Dawut
goşuna hem-de Neriň ogly Abnere: «Ab-
ner! Jogap berjek dälmi?» diýip gygyrdy.
Abner: «Patyşa gygyrýan kim bu?» di-
ýip jogap gaýtardy. 15 Dawut oňa: «Sen
beýik adam dälmi näme? Ysraýylda
saňa, heý, taý geljek barmyka? Onda
näme üçin sen öz jenabyň patyşa gö-
zegçilik etmediň? Çünki kimdir biri
seniň jenabyň patyşany öldürmäge geldi.
16 Bu eden işiňiz gowy däl. Rebden ant
içýärin, sen ölüme mynasyp, sebäbi
sen öz jenabyňa, Rebbiň seçip-saýlan
adamyna gözegçilik edip bilmediň. Ine,
seret, patyşanyň başujundaky naýzasy
bilen suw küýzesi nirede?»

17 Şawul Dawudyň sesini tanady we:
«Dawut, oglum, bu seniň sesiň ýaly-la»
diýdi. Dawut: «Hawa, bu meniň se-
sim, eý, jenabym we patyşahym» diýdi.
18 Soň Dawut ýene sözüni dowam etdi:
«Jenabym, men guluňy näme sebäpden
beýdip kowalap ýörsüň? Meniň eden
zadym näme? Ýazygym näme? 19 Eý,
jenabym, patyşahym, indi öz guluňyň
aýtjak sözlerine gulak sal. Eger seni
meniň garşyma aýaga galdyran Reb
bolsa, onda, goý, Ol gurbanlygy kabul
etsin. Ýok, eger ynsan ogullary bolsa,
onda, goý, olara Rebbiň näleti siňsin!
Çünki olar: „Bar, başga hudaýlara sygyn“
diýip, bu gün meni Rebbiň mülkünden
berlen paýymdan kowup goýberdiler.
20 Şoňa görä, goý, meniň ganym Rebbiň
huzuryndan uzakdaky topraga dökül-
mesin. Eý, Ysraýylyň patyşasy, näme
üçin sen meni aňtap ýörsüň? Men bir
büre ahyryn!» 21 Şawul Dawuda şeýle

diýdi: «Men günä etdim. Yzyňa dolan,
oglum, Dawut. Indi men saňa hiç wagt
ýamanlyk etmerin, çünki bu gün meniň
janym seniň üçin juda gymmatly boldy.
Men akmak bolupdyryn, juda ýalňy-
şypdyryn». 22 Dawut oňa şeýle jogap
berdi: «Ine, naýzaň, eý patyşahym! Goý,
ony ýigitleriňden biri gelip, alyp gitsin.
23 Reb her kimi öz adalatlylygy hem-de
wepalylygy üçin sylaglaýandyr. Şu gün
Reb seni meniň elime berdi, ýöne men
Rebbiň seçip-saýlan adamyna el göter-
mek islemedim. 24 Seniň janyň bu gün
meniň üçin gymmatly bolşy ýaly, goý,
Reb hem meniň janymy gymmatly gör-
sün. Goý, Ol meni ähli bela-beterlerden
gorasyn». 25 Şawul Dawuda şeýle diýdi:
«Oglum, Dawut, Hudaý saňa ýar bol-
sun! Köp işler edersiň we hemişe işiň
rowaç bolar».

Soňra Dawut öz ýoluna gitdi, Şawul hem öz öýüne dolandy.

## 27-nji bap

### *Dawut pilişştlileriň arasynda*

1 Dawut öz ýanyndan şeýle diýdi:
«Günlerde bir gün men Şawulyň elinden
heläk bolaryn. Gowusy, men piliştlileriň
ýurduna gaçaýyn. Şeýtsem, Şawul meni
Ysraýylyň çäginden tapmak umydyny
üzer; men onuň elinden halas bolaryn».
2 Şeýdip, Dawut ýanyndaky alty ýüz ada-
my bilen bile Gatyň hany Magogyň ogly
Akyşyň tarapyna geçdi. 3 Olar maşgalala-
ry bilen bile Gatda Akyş hanyň ýanynda
ornaşdylar. Iki aýaly ýizregelli Ahyno-
gam we Nabalyň dul galan aýaly karmelli
Abygaýyl hem Dawudyň ýanyndady.
4 Şawul Dawudyň Gata gaçandygyny
eşidip, ony gözlemegini bes etdi.

5 Dawut Akyş hana şeýle diýdi: «Eger
men seniň göwnüňden turan bolsam,
onda ýurduň obalarynyň birinden ma-
ňa ýaşar ýaly ýer ber; goý, guluň öz
ýanyňda patyşa galasynda ýaşamasyn».
6 Şeýdip, Akyş han oňa Ziklagy berdi.
Şoňa görä, Ziklag şu günki güne çenli
hem Ýahuda patyşalaryna degişli bolup
gelýär. 7 Dawut piliştlileriň ýurdunda bir
ýyl dört aý ýaşady. 8 Ol adamlary bilen
bile geşurlaryň, girzileriň we amalekle-
riň üstüne çozuş etdi, bular Şura gidýän
ýoluň ýakasynda, Müsüre çenli bolan
aralykda gadym eýýämden bäri oturan
ýerli ilatlardy. 9 Dawut ýurda çozuş edip,
aýal-erkek diýmän gyrardy; dowarlardyr
öküzleri, eşeklerdir düýeleri we geýim-
gejimleri olja alyp, Akyş hanyň ýanyna
dolanyp gelerdi. 10 Akyş han: «Bu gün
kimiň üstüne çozduň?» diýip soranda,
ol: «Negep çölündäki ýahudalaryň top-
ragyna» diýip, ýa-da «Negep çölündäki
ýerahmeýelleriň ýerlerine» diýip, ýa-da
«Negep çölündäki keýnleriň ýerlerine»
diýip jogap bererdi. 11 «„Dawut şeýle-
şeýle işler etdi“ diýip, biziň gürrüňimizi
ederler» diýip, Dawut bir adamy-da
Gata getirmezdi. Aýal-erkek diýmän,
baryny gyrardy. Piliştlileriň ýurdunda
bolan döwründe ol şeýle işler edipdi.
12 Akyş han Dawuda ynanyp: «Ol öz
halkynyň gözünden büs-bütin düşüp,
meniň hemişelik guluma öwrüler» diýip
pikir edýärdi.

## 28-nji bap

### *Şawul porhan aýala ýüz tutýar*

1 Şol günlerde piliştliler, Ysraýylyň
garşysyna uruşmak üçin, öz güýçlerini
jemläpdiler. Akyş han Dawuda: «Öz
adamlaryňy-da alyp, meniň bilen bile
bir goşunda söweşmelidigiňi, elbetde,
sen bilýänsiň» diýdi. 2 Dawut oňa: «Örän
oňat, sen hem öz guluňyň başarnygyny

görersiň» diýdi. Akyş han Dawuda: «Ga-
ty gowy, sen ömürboýy meniň janpenam
bolarsyň» diýdi.

3 Şamuwel ölüpdi we bütin ysraýyl
halky onuň ýasyny tutupdy. Ony Ra-
mada – öz galasynda jaýladylar. Şawul
bolsa porhanlardyr jadygöýleri çykaryp
kowupdy.

4 Piliştliler toplandylar we gelip, Şu-
nemde düşelge gurdular. Şawul hem ähli
ysraýyllary jemläp, Gilbowada düşelge
gurdy. 5 Piliştlileriň goşunyny görende,
Şawulyň gorkudan ýaňa ýüregi sarsyp
gitdi. 6 Şawul Rebbe ýüz tutdy, ýöne Reb
oňa ne düýşde, ne Urymyň üsti bilen,
ne-de pygamberleriň üsti bilen jogap
berdi. 7 Soňra Şawul öz hyzmatkärlerine:
«Maňa bir porhan aýal tapyň. Men onuň
ýanyna gidip, ondan bir zady haýyş et-
jek» diýdi. Hyzmatkärler oňa: «Endorda
bir porhan bar» diýdiler. 8 Şawul başga
geýim geýip, daşky görnüşini üýtgetdi
we ýanyna-da iki adam alyp, gije ol
aýalyň ýanyna gitdi. Ol: «Meniň üçin
ruhlara ýüz tut we adyny tutjak kişimi
çagyr» diýdi. 9 Aýal oňa: «Sen Şawu-
lyň porhanlardyr jadygöýleri ýurtdan
çykaryp kowandygyny bilibem, meni
öldürmek üçin duzak gurjak bolýar-
myň?» diýdi. 10 Emma Şawul: «Rebden
ant içýärin, şu işden saňa hiç hili zyýan
ýetmez» diýip, Rebden ant içdi.

11 Aýal ondan: «Men seniň ýanyňa kimi
getirmeli?» diýip sorady. Ol: «Şamuwe-
li» diýip jogap berdi. 12 Aýal Şamuweli
görende, çirkin gygyryp, oňa «Meni
näme üçin aldadyň? Sen Şawul ahyryn!»
diýdi. 13 Patyşa oňa: «Gorkma. Näme
görýäň?» diýdi. Aýal Şawula: «Ýerden
çykyp gelýän ruhy görýän» diýip jogap
berdi. 14 Şawul: «Görnüşi nähili?» diýdi.
Aýal: «Egni donly bir garry adam ýerden
çykyp gelýär» diýdi. Şondan soň Şawul
onuň Şamuweldigine göz ýetirip, ýüzüni
ýere berip, oňa tagzym etdi. 15 Şamu-
wel Şawula: «Näme üçin meni ýokary
çykaryp, alada goýduň?» diýdi. Şawul
şeýle jogap berdi: «Men çykgynsyz ýag-
daýa düşdüm. Piliştliler meniň garşyma
uruşýarlar, Hudaý bolsa menden ýüz
öwürdi. Indi Ol maňa pygamberleriň
üsti bilen-de, düýşde-de jogap bermeýär.
Şoňa görä näme etmelidigimi öwrederiň
ýaly, men seni çagyrdym». 16 Şamuwel
oňa şeýle diýdi: «Näme üçin, Reb özüň-
den ýüz öwrüp, saňa duşman bolansoň,
menden soraýarsyň? 17 Reb meniň üstüm
bilen saňa aýdan zadyny etdi. Ol seniň
eliňden patyşalygy alyp, ony saňa derek
Dawuda berdi. 18 Sebäbi sen Rebbiň sö-
züne gulak asmadyň, Onuň Amalegiň
garşysyna bolan gazabyny ýerine ýetir-
mediň. Şonuň üçin hem Reb seni bu gün
şu ýagdaýa saldy. 19 Üstesine-de, seniň
bilen bilelikde Ol Ysraýyly piliştlileriň
eline berer; ertir ogullaryň bilen bile
meniň ýanyma gelersiň. Reb Ysraýyl
goşunyny hem piliştlileriň eline berer».

20 Şol bada Şawul özüni ýere goýber-
di, çünki Şamuweliň aýdanlaryndan
ol öler ýaly gorkdy. Uzakly gün bü-
tin gijesi bilen hiç zat iýmänsoň, onda
güýç-gurbat galmandy. 21 Ýaňky aýal
Şawulyň ýanyna geldi we onuň öler
ýaly gorkandygyny görüp, oňa şeýle
diýdi: «Gyrnagyň saňa gulak asdy we
başyny etegine salyp, seniň diýeniňi etdi.
22 Indi senem gyrnagyňa gulak as. Men
saňa bir döwüm çörek bereýin. Şony
iýseň, ýola çykanyňda gurbatlanarsyň».
23 «Ýok, iýjek däl» diýip, Şawul muny
ret etdi. Onuň hyzmatkärleri we ýaňky
aýal ony yrmaga çalyşdylar. Ol razylaşdy.
Ol ýerinden turdy we düşegiň üstünde
oturdy. 24 Bu aýalyň mal ýatagynda bir
semiz gölesi bardy. Ol ony dessine soýdy;

hamyr ýugurdy we petir bişirdi. 25Ol ony
Şawulyň hem onuň hyzmatkärleriniň
öňünde goýdy. Olar ony iýdiler we şol
gije öz ýollaryna gitdiler.

### 29-njy bap

***Piliştliler Dawuda ynanmazçylyk edýärler***

1Piliştliler öz güýçlerini Apekde jem-
lediler, ysraýyllar bolsa Ýizregeldäki
çeşmäniň boýunda ornaşdylar. 2Piliştli
hanlar ýüz we müň adamlyk toparla-
ry bilen barýardylar; Dawut we onuň
adamlary Akyş han bilen bile yzdan
gelýärdiler.
3Piliştli baştutanlar: «Ýewreýler bu
ýerde näme işleýär?» diýdiler. Akyş han
olara şeýle jogap berdi: «Onuň Ysraýylyň
şasy Şawulyň guly Dawutdygyny siz
bilýärsiňiz ahyryn. Bir ýyldan gowurak
wagt bäri ol meniň ýanymda. Gelen
gününden tä şu güne çenli men onuň
ýaramaz iş edenini görmedim». 4Piliştli
baştutanlar onuň üstüne heňkirip, şeýle
diýdiler: «Ony yza, öz bellenen ýerine
ugrat. Ol biziň bilen bile söweşe gitmesin,
ýogsa ol biziň garşymyza urşar. Sebäbi
öz hojaýynyna gowy görünmek üçin,
onuň şu adamlaryň kellesini kesmekden
gowy tär tapjak gümany barmy näme?
5„Şawul müňüsini öldürdi,
Dawut bolsa on müňüsini“
diýlip, özi hakda tans edilip, aýdym
aýdylan Dawut dälmi bu?» 6Şondan
soň Akyş han Dawudy çagyryp, oňa
şeýle diýdi: «Rebden ant içýärin, sen
bir dogruçyl adam. Maňa galsa seniň
bilen bile söweşe giderdim. Ýanyma
gelen günüňden tä şu güne çenli senden
ýaramazlyk çykanyny görmedim. Şon-
da-da hanlara ýaranyp bilmeýärsiň. 7Indi
parahatlyk bilen yzyňa dolan, piliştli
hanlaryň gaňyrşyna gaýtma». 8Dawut
Akyş hana şeýle jogap berdi: «Meniň
eden zadym näme? Ýanyňa gelen gü-
nümden tä şu güne çenli sen öz guluňdan
näme erbetlik tapdyň? Näme üçin men
öz jenabyň, patyşanyň duşmanlary bilen
söweşmeli däl?» 9Akyş han Dawuda
şeýle jogap berdi: «Seniň edil Hudaýyň
perişdesi ýaly päkdigiňi bilýärin. Ýöne
piliştli baştutanlar: „Ol biziň bilen bile
söweşe gitmesin“ diýdiler. 10Indi sen
we ýanyňda gelen patyşaňyň gullary
daň bilen turup, meniň siz üçin bellän
ýerime gidiň. Ýaramaz habary bolsa
göwnüňe alma, çünki men senden razy.
Ertir daň ýagtylan badyna ýola düşüň».
11Şeýlelikde, Dawut adamlary bilen
bile piliştlileriň ýurduna tarap ugrady.
Piliştliler bolsa Ýizregele gitdiler.

### 30-njy bap

***Dawut amalekler bilen uruşýar***

1Dawut bilen onuň adamlarynyň
Ziklaga gelenlerine üç gün diýende, ama-
lekler Negep çölüne, ylaýta-da Ziklag
galasynyň üstüne çozuş etdiler. Olar
Ziklagy basyp aldylar we ýakyp-ýandyr-
dylar. 2Amalekler aýallary, ýaşu-garry
diýmän ol ýerdäkileriň ählisini ýesir
aldylar, ýöne hiç kimi öldürmän, ýan-
lary bilen alyp, öz ýollaryna gitdiler.
3Dawut adamlary bilen gala gelende,
olar onuň ýakyp-ýandyrylandygyny,
aýallarydyr ogul-gyzlarynyň bolsa ýesir
edilip äkidilendigini bildiler. 4Dawut
we onuň ýanyndakylar tä ysgyndan
gaçýançalar möňňürip aglaşdylar.
5Dawudyň iki aýaly, ýagny ýizregelli
Ahynogam we karmelli Nabalyň dul
galan aýaly Abygaýyl hem ýesir edilip
äkidilipdi. 6Dawudyň haly teňdi, çün-
ki halk ony daşlamak isleýärdi. Sebäbi

ogul-gyzlarynyň ýesir alnanyna adam-
laryň jany ýanýardy. Emma Dawut öz
Hudaýy Rebden güýç aldy. 7Ol Ahymele-
giň ogly ruhany Abýatara: «Efody getir»
diýdi. Abýatar efody Dawudyň ýanyna
getirdi. 8Dawut: «Men bu galtamanla-
ryň yzyndan kowmalymy? Men olaryň
yzyndan ýetip bilerinmi?» diýip, Rebbe
ýüzlendi. Reb oňa: «Olaryň yzyndan
kow. Sen hökman olaryň yzyndan ýe-
tip, ýesirleri halas edersiň» diýip jogap
berdi. 9-10Şunlukda, Dawut ýanyndaky
alty ýüz adamy bilen bilelikde ýola düşdi.
Olar Besor çaýyna geldiler. Gurbatdan
düşen iki ýüz adam çaýdan geçip bil-
män, şol ýerde galdylar. Emma Dawut
dört ýüz adam bilen bile galtamanlary
kowalamagyny dowam etdirdi.

11Olar sähralykdan bir müsürlini tap-
dylar we Dawudyň ýanyna getirdiler;
oňa iýmäge çörek, içmäge suw berdiler.
12Olar oňa bir goşawuç injir kişde bilen
iki goşawuç kişmiş-de berdiler. Ol bula-
ry iýenden soň gurbuna geldi, çünki ol
üç gije-gündizläp hiç zat iýip-içmändi.
13«Kimiň adamy bolarsyň, nirelisiň?»
diýip, Dawut ondan sorady. Ol: «Men
bir müsürli ýigit, bir amalegiň guly. Üç
gün mundan öň ýaramadym, şonuň üçi-
nem hojaýynym meni taşlap gitdi. 14Biz
Negep çölündäki keretleriň, Ýahudanyň
bir böleginiň we kalepleriň üstüne çozuş
etdik, şeýle hem, Ziklagy ýakyp-ýan-
dyrdyk» diýip jogap berdi. 15Dawut
oňa: «Meni şol galtamanlaryň ýanyna
eltip bilermiň?» diýdi. Ol: «Eger meni
öldürmejekdigiňe ýa-da hojaýynymyň
eline bermejekdigiňe ant içseň äkide-
ýin» diýdi.

16Ol Dawudy galtamanlaryň ýanyna
getirdi. Şol wagt olar iýip-içip, tans
edip, çar tarapa ýaýrapdylar, çünki olar
piliştlileriň hem ýahudalaryň ýurdundan
örän köp olja alypdylar. 17Dawut daň
agarandan tä agşama çenli olary gyrdy.
Düýeli gaçan dört ýüz ýigitden başga
ýekeje adam-da onuň elinden gutulyp
bilmedi. 18Dawut amalekleriň alan zat-
larynyň ählisini we iki aýalyny yzyna
gaýdyp aldy. 19Ownugu-iri zatlaryň ähli-
sini, ogul-gyzlaryny, olja alnan zatlaryň
baryny Dawut yzyna gaýtaryp getirdi;
ähli zat ýerbe-ýerdi. 20Dawut başga-da
ownuk hem iri mal sürülerini ele saldy.
Olary beýleki mallaryň öňünden sürüp:
«Ine, bu Dawudyň oljasy» diýýärdiler.

21Dawut ysgyndan gaçyp, özi bilen gi-
dip bilmän, Besor çaýynda galan iki ýüz
adamyň ýanyna geldi. Olar Dawudy hem
onuň adamlaryny garşylamaga çykdylar.
Golaýlaşanlarynda Dawut olara salam
berdi. 22Şonda Dawut bilen bile gelenle-
riň arasyndaky pis hem ýaramaz adamlar
şeýle diýdiler: «Bizden galandyklary
üçin, olar oljadan hiç zat almazlar. Olar
diňe öz aýallary bilen çagalaryny alsyn-
lar-da gidibersinler». 23Emma Dawut
olara şeýle diýdi: «Rebbiň beren zadyny
beýle etmäliň, gardaşlarym. Reb bizi
gorady we üstümize çozan garakçylary
biziň elimize berdi. 24Bu sözüňizi diňlän
tapylarmyka? Söweşe giden bilen goş-
laryň ýanynda galanyň paýy deň bolar;
zatlar deň paýlaşylar». 25Şol günden
beýläk Dawut muny Ysraýyl üçin kanun
we parz edip goýdy. Bu kanun şu güne
çenli dowam edip gelýär.

26Dawut Ziklaga gelip, «Ine, şu Reb-
biň duşmanlaryndan alnan oljadan
size sowgat» diýip, öz dostlary bolan
ýahuda ýaşulularyna iberdi. 27Şeý-
le hem ol Beýteldäki, Negep çölünde
Ramotdaky, Ýatyrdaky, 28Arogerdäki,
Sipmotdaky, Eştemowadaky, 29Rakal-
daky, ýerahmeýelleriň galalaryndaky,
keýnleriň galalaryndaky, 30Hormadaky,

Borgaşandaky, Atakdaky,
31 Hebronda-
ky öz adamlary bilen baran ýerleriniň
ählisinde ýaşaýanlara olja alnan zatlar-
dan iberdi.

## 31-nji bap

***Şawulyň we onuň ogullarynyň ölümi***
*(1 Ýyl ýazgylary 10:1-12)*

1 Piliştliler Ysraýylyň garşysyna söweş
etdi. Ysraýyllar piliştlilerden gaçyp, Gil-
bowa dagynda köpüsi gyryldy.
2 Piliştliler
Şawulyň we onuň ogullary Ýonatanyň,
Abynadabyň hem-de Malkyşuwanyň
yzyndan kowup ýetip, onuň ogullaryny
öldürdiler.
3 Şawula garşy söweş güýç-
lendi, ýaýçylar ony tapdylar we agyr
ýaraladylar.
4 Şawul ýaragçy nökerine
şeýle diýdi: «Gylyjyňy al-da, meni öldür;
sünnetsizleriň elinden ölüp, olara göz
bolmaýyn». Emma onuň ýaragçy nökeri
juda gorkdy we beýle etmek islemedi.
Şoňa görä, Şawul öz gylyjyny aldy-da,
onuň üstüne özüni oklady.
5 Şawulyň
ölendigini gören ýaragçy nökeri-de öz
gylyjynyň üstüne özüni oklap, onuň
bilen bile öldi.
6 Şeýdip, Şawulyň özi,
üç ogly, ýaragçy nökeri hem-de ähli
adamlary bir günde öldüler.
7 Ysraýylyň
ýeňlip gaçandygyny, Şawulyň hem onuň
ogullarynyň ölendigini görüp, jülgäniň
beýleki tarapynda we Iordan derýa-
synyň aňyrsynda ýaşaýan ysraýyllar
öz galalaryny taşlap gaçdylar; piliştli-
ler gelip, olary eýelediler.
8 Ertesi gün
piliştliler öldürilenleri talamak üçin
gelenlerinde, Gilbowa dagyndan Şawul
bilen onuň üç oglunyň jesedini tapdylar.
9 Olar Şawulyň kellesini kesip, ýaragyny
aldylar we buthanalaryna hem-de halky-
na habar bermek üçin, tutuş piliştlileriň
ýurduna çaparlar gönderdiler.
10 Şawu-
lyň ýaragyny Aştoret hudaýlarynyň
buthanasynda goýdular, jesedini bolsa
Beýtşeýan galasynyň diwaryndan asyp
goýdular.
11 Piliştlileriň Şawula edenle-
rini Gilgatdaky Ýabeşiň ilaty eşidende,
12 onuň gaýduwsyz adamlarynyň ählisi
aýaga galdy. Olar uzak gije ýörediler.
Baryp, Şawulyň hem onuň ogullary-
nyň jesetlerini Beýtşeýan galasynyň
diwaryndan aýyrdylar; Ýabeşe gelip,
jesetleri şol ýerde ýakdylar.
13 Soňra
olaryň süňklerini getirip, Ýabeşdäki
ýylgynyň aşagynda gömdüler we ýedi
günläp agyz beklediler.

# Şamuwel pygamber

## Ikinji kitap

## Giriş

*Şamuwel pygamber* baradaky ikinji kitapda Dawut pygamberiň patyşalyk süren ýyllary beýan edilip, *Şamuwel pygamber* birinji kitap dowam edýär. Dawut pygamber ysraýyl halkynyň taryhynda öçmejek yz galdyran patyşadyr. Ol öz şalyk süren döwründe ysraýyl goşunyna serkerdelik edip, Iýerusalim şäherini eýeleýär. Bu şäher soňra Ýahuda welaýatynyň we tutuş Ysraýyl döwletiniň paýtagty bolýar.

Dawut pygamberiň sadyk ýüregi, Hudaýyň buýruklaryna yhlas bilen ýapyşmagy Ony hoşnut edýärdi. Şonuň üçin-de, Hudaý Dawuda onuň nesliniň hiç wagt şalyk tagtyndan düşmejekdigini wada berýär.

Kitabyň ikinji bölüminde Dawut patyşanyň durmuş kynçylyklary beýan edilýär. Ol indi milli goşunyň gaýduwsyz ýaş serkerdesi däl. Ol ysraýyl halky üçin köp ýerleri eýeläp, indi tapdan düşen patyşa hökmünde suratlandyrylýar. Dawut käwagt rehimsizlik edip, öz göwün isleglerine we bähbitlerine kowalaşyp, Hudaýyň nazarynda pislik saýylýan günäleri edýär. Şeýle günäleri üçin Hudaý ony berk jezalandyrýar. Emma Dawudyň bir üýtgeşik häsiýeti bar: ol eden günäsine düşünen badyna toba edip, Hudaýdan ötünç soraýar, Onuň bilen gatnaşygy dikeltjek bolup jan-tenden yhlas edýär.

Dawut pygamber ömrüniň ahyrynda elden gideren şalygyny doly dikeldip bilmeýär. Emma muňa garamazdan, ondan soň onuň tagtyna ogly Süleýman çykýar. *Patyşalar* birinji kitapda Süleýmanyň şalyk süren döwri beýan edilýär.

### *Mazmuny*


Dawudyň Ýahudanyň üstünden hökümdarlyk etmegi.................... *1:1–4:12*
Dawudyň tutuş Ysraýylyň üstünden hökümdarlyk etmegi ............ *5:1–9:13*
Dawudyň Batşeba bilen eden günäsi ........................................... *10:1–12:31*
Dawudyň maşgalasyndaky betbagtçylyklar ................................. *13:1–14:33*
Dawudyň patyşalygyndaky betbagtçylyklar................................ *15:1–20:26*
Dawudyň hökümdarlygy hakyndaky beýleki maglumatlar ........ *21:1–24:25*


---

## 1-nji bap

### *Şawulyň öldi habary*

1 Şawul ölenden soň, amalekleri ýeňip,
dolanyp gelen Dawut iki gün Ziklagda
galdy. 2 Üçünji gün diýlende Şawulyň dü-
şelgesinden ýakasyny ýyrtyp, başyndan
gum sowran bir adam Dawudyň ýanyna
geldi. Ol Dawudyň öňünde ýere ýüzin
düşüp tagzym etdi. 3 Dawut ondan: «Ni-
reden gelýärsiň?» diýip sorady. Ol: «Men
Ysraýyl düşelgesinden gaçyp gaýtdym»
diýdi. 4 Dawut oňa: «Aýt, näme boldy?»
diýdi. Ol: «Goşun ýeňlip gaçdy, adamla-
ryň köpüsi gyryldy. Şawul bilen onuň ogly
Ýonatan hem öldi» diýdi. 5 Dawut bu haba-
ry getiren ýaş ýigitden: «Şawul bilen onuň
ogly Ýonatanyň ölenini nireden bilýäň?»
diýip sorady. 6 Ýaş ýigit Dawuda şeýle
jogap berdi: «Edil şol wagt men Gilboga
dagyndadym. Men Şawulyň naýzasy-
na söýenip duranyny, duşmanyň söweş
arabalarynyň we olary sürýän esgerleriň
bolsa oňa golaýlaşyp barýandyklaryny
gördüm. 7 Şawul ýeňsesine seredende me-
ni görüp, ýanyna çagyrdy. Men: „Näme
agam?“ diýdim. 8 Ol: „Sen kim?“ diýip
sorady. „Men amalek tiresinden“ diýip
jogap berdim. 9 Soňra ol maňa: „Gel-de,
meni öldür, çünki entek içimde janym
bolsa-da, ajalym görnüp dur“ diýdi. 10 Me-
nem bardym-da, ony öldürdim. Sebäbi
men onuň indi diri galmajakdygyna göz
ýetiripdim. Başyndaky täji bilen elindäki
bilezigini jenabyma alyp gaýtdym, ine,
olar jenabym». 11 Muny eşiden Dawut ýa-
kasyny tutup, geýimlerini ýyrtdy, onuň
ýanyndakylar hem şeýtdiler. 12 Olar gy-
lyçdan geçirilen Şawul üçin, onuň ogly
Ýonatan üçin, Rebbiň goşuny we ysraýyl
halky üçin agşama çenli agyz bekläp, ýas
tutup aglaşdylar. 13 Dawut habar getiren
ýaş ýigitden: «Sen nireli?» diýip sorady.
Ol: «Men gelmişek bir amalegiň ogly» di-
ýip jogap berdi. 14 Dawut oňa: «Gorkman,
Rebbiň seçip-saýlan adamyny öldürmäge
nädip milt etdiň?» diýdi. 15 Soňra Dawut
ýaş ýigitleriň birini ýanyna çagyryp: «Gel,
şuny öldür!» diýdi. Ýigit ony urup öldürdi.
16 Dawut amalege: «Döken ganyň öz başy-
ňa barsyn. Çünki sen Rebbiň seçip-saýlan
adamyny öldürendigiňe öz diliň bilen
şaýatlyk etdiň» diýdi.

17 Şawul we onuň ogly Ýonatan üçin,
Dawut şu agyny aýtdy. 18 (Dawut bu
«Peýkam aýdymyny» ýahuda halkyna
öwrenmegi buýurdy. Bu Dogruçyllyk
kitabynda ýazylandyr.) Ol şeýle diýdi:

19 «Eý, Ysraýyl, şöhratyň dem-
-düýtsüz ýatyr depeleriňde!
Gerçekler nädip ýere ýazyldy?!
20 Gatlylara aýtmaň muny,
Aşkelonyň köçelerinde ýaýmaň.
Ýogsam piliştlileriň gyzlary joşar,
sünnetsizleriň gyzlary heşelle
kakar.
21 Eý, Gilboga daglary!
Üstüňize çyg-da, ygal-da
düşmesin!
Sizden hasyl önmesin!
Çünki gerçegiň galkany,
Şawulyň gaýdyp ýaglanmajak
galkany
siziň üstüňizde syndy.

22 Ýonatanyň ýaýy sowa geçmezdi
öldürilenleriň teninden,
Şawulyň gylyjy boş geçmezdi
gerçekleriň ýaýyndan.

23 Söýgülidi, ezizdi
Şawul bilen Ýonatan.
Dirilikde, ölümde olar jyda düşmedi.
Çalasyndylar bürgütden,
güýçlüdiler arslandan.

24 Eý, Ysraýyl gyzlary,
aglaň, Şawul üçin aglaň!
Al-elwan geýdiren üçin,
geýimiňizi zer bilen nagyşlan
üçin aglaň!

25 Gerçekler nädip ýere ýazyldy jeň
meýdanynda!
Ýonatan dem-düýtsüz ýatyr
depäňde.

26 Seniň üçin halym teňdir, eý,
Ýonatan dogan!
Juda eziz bolupdyň maňa.
Zenan söýgüsinden-de
artykdy söýgiň maňa.

27 Gerçekler nädip ýere ýazyldy?!
Ok-ýaraglar döwüldi!»

## 2-nji bap

### *Dawut Ýahudanyň patyşasy bolýar*

1 Şondan soň Dawut: «Ýahuda galala-
rynyň birine gideýinmi?» diýip, Rebbe
ýüz tutdy. Reb: «Hawa, git!» diýip jo-
gap berdi. Dawut: «Haýsyna gideýin?»
diýip sorady. Reb: «Hebrona» diýdi.
2 Şunlukda, Dawut özi bilen iki aýalyny –
ýizregelli Ahynogamy hem-de karmelli
Nabalyň dul galan aýaly Abygaýyly alyp,
Hebrona gitdi. 3 Dawut adamlaryny-da
öz maşgalalary bilen bile äkitdi. Şeýdip,
olar Hebron galasynyň obalarynda or-
naşdylar. 4 Ýahudanyň adamlary geldiler
we Dawudyň başyna ýag guýup, ony
ýahuda tiresine patyşa bellediler.
Olar Şawuly Gilgatdaky ýabeşlileriň
jaýlandygyny Dawuda habar beren-
lerinde, 5 Dawut çaparlaryň üsti bilen
ýabeşlilere şeýle habar ýollady: «Öz
jenabyňyz Şawuly jaýlap, oňa wepalylyk
görkezendigiňiz üçin, Reb sizi ýalkasyn!
6 Reb size merhemet etsin hem wepalylyk
görkezsin! Bu eden işiňiz üçin menem
size ýagşylyk ederin. 7 Gollaryňyz kuw-
watly bolsun, özüňizem mert boluň!
Jenabyňyz Şawul öldi, ýahuda halky
meni patyşalyga belledi».

### *Abner Yşboşedi Ysraýylyň patyşasy edýär*

8 Neriň ogly Abner Şawulyň goşun-
başysydy. Ol Şawulyň ogly Yşboşedi
Mahanaýyma getirdi. 9 Abner ony Gil-
gadyň, Aşuryň, Ýizregeliň, Efraýymyň,
Benýaminiň hem-de tutuş Ysraýylyň
patyşasy etdi. 10-11 Ysraýyla patyşalyk
edip başlanda, Şawulyň ogly Yşboşet
kyrk ýaşyndady. Ol iki ýyl patyşalyk etdi.
Emma ýahuda tiresi Dawudyň yzyna
eýerdi. Hebronda ýahuda tiresine Dawut
ýedi ýyl alty aý bäri patyşalyk edýärdi.
12 Neriň ogly Abner Şawulyň ogly Yşbo-
şediň adamlary bilen bile Mahanaýymdan
Gibgona gitdi. 13 Seruýanyň ogly Ýowap
bolsa Dawudyň adamlary bilen çykyp,
Gibgon howdanynyň ýanynda olar bilen
gabatlaşdy. Bu iki toparyň hersi howdanyň
bir tarapynda ýerleşdi. 14 Abner Ýowaba:
«Goý, ýaş ýigitler öňe çyksynlar-da, başa-
-baş güýç synanyşsynlar» diýdi. Ýowap
hem: «Goý, çyksynlar» diýdi. 15 Olar öňe
çykdylar. Benýamin tiresinden Şawulyň
ogly Yşboşet tarapdan on iki adam, Da-
wudyň adamlaryndan hem on iki adam
öňe saýlandy. 16 Olar biri-biriniň kelle-
sinden tutup, garşydaşynyň böwründen
gylyçlaryny geçirdiler. Şeýdip, olaryň
ählisiniň läşi serildi. Şoňa görä-de Gib-
gondaky ol ýere Helkathassurym[a] diýen
at berildi. 17 Şeýdip, ol gün juda ýowuz

[a] **2:16** ***Helkathassurym*** – bu söz *gylyç meýdany* diýmegi aňladýar.

söweş başlandy. Abner bilen ysraýyllar
Dawudyň adamlaryndan ýeňildiler.
18 Seruýanyň üç ogly Ýowap, Aby-
şaý, Asahel dagy şol ýerdedi. Asahel
edil keýik ýaly ýyldamdy. 19 Ol Abneri
yzarlady. Ol hiç tarapa sowulman, göni
onuň yzyndan barýardy. 20 Abner yzyna
seredip: «Asahel, bu senmi?» diýdi. Ol:
«Hawa, men» diýip jogap berdi. 21 Ab-
ner oňa: «Sagyňa ýa soluňa sowlup, ýaş
esgerleriň birini tut-da, onuň zatlaryny
tala» diýdi. Ýöne Asahel onuň yzyn-
dan galmady. 22 Abner Asahele ýene:
«Meni kowalamaňy bes et! Birden seni
ýere pylçap uraýmaýyn! Onsoň men
seniň doganyň Ýowabyň ýüzüne nähili
serederin?» diýdi. 23 Ýöne Asahel yza
gaýtmak islemedi. Şunlukda, Abner
naýzasynyň ujuny onuň içinden geçirdi.
Asahel ýykyldy, ýykylan ýerinde-de jan
berdi. Onuň ölen ýerinden geçenleriň
hemmesi ol ýerde aýak çekdiler.
24 Soňra Ýowap bilen Abyşaý Abneriň
yzyndan kowaladylar. Gün ýaşanda, olar
Giýanyň garşysyndaky, Gibgon çölüne
tarap gidýän ýoluň ýakasyndaky Omah
depesine ýetdiler. 25 Benýaminler Abne-
riň daşyna toplandylar-da, birleşdiler;
olar bir depäniň üstüne çykyp durdular.
26 Abner Ýowaba gygyryp şeýle diýdi:
«Adamlaryň gylyçdan geçirilmeginiň,
heý, soňy gelmezmi? Munuň soňunyň
pajygaly boljagyny bileňokmy? Ga-
ryndaşlaryny kowalamagy bes etmegi
üçin adamlaryňa haçan buýruk berjek?»
27 Ýowap Abnere: «Diri Hudaýdan ant
içýän! Eger özüň seslenmedik bolsaň,
meniň adamlarym öz garyndaşlaryny
tä daňdana çenli kowalardylar» diýdi.
28 Ýowap şahdan edilen surnaý çaldy;
adamlar saklandylar. Şondan soň olar
ysraýyllary kowalamagy, olar bilen uruş-
magy bes etdiler.
29 Abner adamlary bilen uzak gije
Iordan deresinden ýöredi. Olar Iordan
derýasyndan geçdiler; ertesi irden hem
ýöräp, Mahanaýyma geldiler. 30 Ýowap
Abneri kowalamagy bes edenden soň,
adamlaryny toplady. Dawudyň adamla-
ryndan Asahelden başga-da on dokuzy
kemdi. 31 Dawudyň adamlary Abnere
goşulan benýaminlerden üç ýüz altmyş
adamy öldürdi. 32 Olar Asaheli äkidip,
Beýtullahamda – onuň öz kakasynyň
gubry goýlan gümmeziň içinde jaýlady-
lar. Soňra Ýowap adamlary bilen uzak
gije ýol ýöräp, daň agaranda Hebrona
geldi.

### 3-nji bap

1 Şawulyň adamlary bilen Dawudyň
adamlarynyň arasyndaky uruş uzaga
çekdi. Dawut gitdigisaýy güýçlenýärdi,
Şawulyňkylar bolsa barha ejizleýärdiler.

### *Dawudyň Hebronda doglan ogullary*

2 Ine, şular Dawudyň Hebronda doglan
ogullarydyr: onuň nowbahar ogly ýiz-
regelli Ahynogamdan bolan Amnondy.
3 Ikinjisi karmelli Nabalyň dul galan aýa-
ly Abygaýyldan bolan Kilapdy, üçünjisi
Geşur patyşasy Talmaýyň gyzy Maga-
kadan bolan Abşalomdy. 4 Dördünjisi
Hagytdan bolan Adonyýady, bäşinjisi
Abytaldan bolan Şepatýady. 5 Altynjy
ogly Egladan bolan Ýitregamdy. Dawu-
dyň bu ogullarynyň hemmesi Hebronda
doguldylar.

### *Abner Dawuda goşulýar*

6 Şawul bilen Dawudyň kowum-ga-
ryndaşlarynyň arasyndaky uruş dowam
edýärdi. Şawulyň kowumyndan Abner
barha güýçlenýärdi. 7 Şawulyň Rispa
atly bir gyrnagy bardy. Rispanyň ata-
syna Aýa diýýärdiler. Bir gün Yşboşet

Abnere: «Näme üçin kakamyň gyrnagy
bilen ýatdyň?» diýdi. 8 Yşboşediň söz-
lerine Abneriň juda gahary gelip, oňa
şeýle diýdi: «Näme sen meni Ýahudanyň
tarapyna geçen bir köpek hasaplaýaň-
my? Men bu günki güne çenli ataň
Şawulyň nesline, onuň doganlaryna,
dost-ýarlaryna wepaly bolup, seni Da-
wudyň eline düşmekden saklap gezdim.
Şu aýal sebäpli bu gün sen maňa gara
ýöňkejek bolýarmyň? 9-10 Reb Şawulyň
elinden patyşalygy aljakdygyna, Dan-
dan Beýerşeba çenli uzalýan Ysraýylda
hem Ýahudada Dawudyň patyşalygyny
berkarar etjekdigine ant içdi. Indi ol
hakda aýdylany ýerine ýetirmesem, goý,
Hudaý maňa-da şony, hatda ondanam
beterini görkezsin». 11 Yşboşet Abnerden
gorkansoň, oňa jogap gaýtaryp bilmedi.
12 Abner Hebronda oturan Dawuda
çapar iberip: «Ýurt kimiňki? Gel, äht
baglaşaly, tutuş Ysraýylyň seniň tarapy-
ňa geçmegine menem goldaw bereýin»
diýdi. 13 Dawut: «Bolýar, men seniň bilen
äht edişeýin, ýöne bir şert bilen: meniň
bilen görme-görşe geleniňde, Şawulyň
gyzy Mikaly-da getirersiň, eger getir-
meseň, meni görmersiň» diýdi. 14 Soňra
Dawut: «Ýüz piliştliniň pürçügini berip
alan aýalym Mikaly özüme gaýtaryp
ber» diýen habar bilen Şawulyň ogly Yş-
boşede çapar gönderdi. 15 Yşboşet adam
iberip, Mikaly onuň adamsy Paltyýelden
yzyna aldy. Paltyýel Laýyşyň ogludy.
16 Adamsy ýolboýy aglap-eňräp, Mikaly
Bahuryma çenli ugratdy. Abner «Öýüňe
gaýt!» diýensoň, Paltyýel yzyna dolandy.
17 Abner ysraýyl ýaşulularyna şeýle
sözler bilen ýüzlendi: «Köp wagtdan bäri
siz Dawudyň özüňize patyşa bolmagy-
ny isleýärsiňiz. 18 Indi islegiňizi amala
aşyryň, sebäbi Reb: „Men Öz halkym
Ysraýyly gulum Dawudyň üsti bilen
piliştlilerden hem onuň ähli duşman-
laryndan halas ederin“ diýip, Dawuda
aýdypdy». 19 Abner benýamin tiresi bilen
hem gepleşdi. Soňra ähli ysraýyllaryň
hem-de benýaminleriň islegini Dawuda
ýetirmek üçin, ol Hebrona gitdi.

### *Abneriň ölümi*

20 Abner ýigrimi adam bilen bile Heb-
rona Dawudyň ýanyna bardy. Dawut olar
üçin meýlis gurady. 21 Abner Dawuda:
«Men gideýin-de, tutuş Ysraýyly şa hez-
retleriniň ýanyna ýygnaýyn. Seniň öz
göwün islegiňe görä şalyk sürmegiň üçin,
goý, olar seniň bilen äht baglaşsynlar»
diýdi. Dawut Abneri goýberdi, ol sag-sa-
lamat çykyp gitdi. 22 Ýowap Dawudyň
adamlary bilen talaňçylykdan ýaňyja
gaýdyp gelipdi. Olar köp olja alypdylar.
Emma Abner Hebronda – Dawudyň ýa-
nynda däldi, Dawut ony goýberipdi, ol
sag-salamat çykyp gaýdypdy. 23 Ýowap
tutuş goşun bilen bile geldi. Neriň ogly
Abneriň patyşanyň ýanyna gelendigini,
patyşanyň ony goýberendigini, onuňam
sag-salamat çykyp gidendigini Ýowaba
habar berdiler. 24 Ýowap patyşanyň ýa-
nyna baryp: «Eden zadyň näme?! Öz
aýagy bilen ýanyňa gelen Abneri näme
üçin goýberdiň? 25 Sen Neriň ogly Abneri
tanaýaň ahyryn! Ol seni aldamak üçin,
nirä gidip-gelýäniňi, näme iş edýäniňi
bilmek üçin gelendir» diýdi. 26 Ýowap
Dawudyň ýanyndan çykansoň, Abneriň
yzyndan çaparlar iberdi we ony Sira gu-
ýusyndan yzyna getirtdi. Emma Dawut
mundan bihabardy. 27 Abner Hebrona
gaýdyp gelende, Ýowap onuň bilen iki-
çäk gepleşjek bolýan kişi bolup, ony
derwezäniň iç tarapyna çekdi-de, içine
urup öldürdi. Şeýdip, Abner Ýowabyň
dogany Asaheliň ganyna galandygy üçin
öldürildi. 28 Dawut bu habary eşidip:

«Özümem, patyşalygymam Neriň ogly
Abneriň gany üçin Rebbiň öňünde hiç
wagt günäkär bolmarys. 29Günä, goý,
Ýowabyň hem onuň nesliniň boýnuna
düşsün. Ýowabyň nesliniň arasynda
iriň ýygnaýan ýaraly, pis açan ýa-da
goltugy pişekli, gylyçdan ölýän ýa-da
nana zar adamlar, goý, hemişe bolsun
dursun» diýdi. 30Şeýdip, Ýowap we onuň
dogany Abyşaý Gibgonda bolan uruşda
öz doganlary Asaheli öldüren Abneriň
janyna kast etdiler.
31Dawut Ýowap bilen onuň ýanyndaky
ähli halka: «Ýakaňyzy ýyrtyp, jul geý-
niň-de, Abneriň ýasyny tutuň» diýdi.
Dawut patyşa onuň tabydynyň yzyndan
ýöredi. 32Abneri Hebronda jaýladylar.
Onuň gubrynyň başynda patyşa ses
edip aglady, tutuş halk-da oňa goşuldy.
33Patyşa Abner üçin agy aýtdy:

«Akmaklarça ölmeli däldiň,
Abner!
34 Gollaryň bagly däldi,
aýaklaryň gandally däldi!
Emma zalymlaryň goluna
düşen biri kimin heläk
bolduň!»

Abner üçin tutuş halk ýene-de agla-
dy. 35Soňra ähli halk Dawudyň ýanyna
gelip, Gün batmazdan öň bir zatlar gar-
banmagy teklip etdiler. Emma Dawut:
«Eger Gün ýaşýança çörek iýsem ýa-da
başga bir zat datsam, Hudaý maňa-da
şony, hatda ondan-da beterini görkezsin»
diýip ant içdi. 36Tutuş halk Dawudyň
bu bolşuny görüp, ony makullady. Pa-
tyşanyň edýän ähli işinden hoşal bolşy
ýaly, halk bu gezek hem ondan hoşal
boldy. 37Neriň ogly Abneriň ölümin-
de Dawudyň eliniň ýokdugyna tutuş
goşun we ähli ysraýyl halky şol gün
göz ýetirdi. 38Patyşa adamlaryna ýüzle-
nip: «Bu gün Ysraýylyň bir beginiň, bir
beýik adamynyň ölendigini bilýäňizmi?
39Hudaýyň başyma ýag guýlup saýlan
patyşasy bolsamam, mende bu gün güýç-
gurbat ýok. Seruýanyň ogullary menden
has güýçli. Ýamanlyk edeniň özüne-de
Reb ýamanlyk görkezsin» diýdi.

## 4-nji bap

### *Yşboşet öldürilýär*

1Hebronda Abneriň öldürilendigini
eşidip, Şawulyň ogly Yşboşediň essi
aýyldy, tutuş ysraýyl halkyna howsa-
la aralaşdy. 2Şawulyň ogly Yşboşediň
hyzmatynda Bagana hem Rekap atly
iki dogan bardy. Olar garakçy topar-
laryň serkerdeleridiler. Olar benýamin
tiresinden beýerotly Rimmonyň ogulla-
rydylar. (Beýerot Benýamin topragynyň
bir bölegi hasap edilýärdi. 3Birwagtlar
öz topraklaryny taşlap, Gitaýyma gaçyp
baran beýerotlylar häzire çenli hem ol
ýerde gelmişek bolup ýaşap ýörler.)
4Şawulyň ogly Ýonatanyň Mepiboşet
diýen iki aýagy-da agsak bir ogly bar-
dy. Ýizregelden Şawul bilen Ýonatanyň
öldi habary gelende, ol bäş ýaşyndady.
Enekesi juda howlukmaçlyk bilen alyp
gaçyp barýarka, ony elinden gaçyrypdy.
Şeýdip, çaganyň aýagyna şikes ýetipdi.
5Yşboşet günortan dynç alýarka, Rim-
monyň ogullary Rekap bilen Bagana
günortanyň yssysynda onuň öýüne geldi-
ler. 6-7Bu iki dogan bugdaý almaga gelen
kişiler bolup, Yşboşediň içine urdular.
Bu, ine, şeýle bolupdy: olar öýe girenle-
rinde, Yşboşet öz ýatýan otagynda uklap
ýatyrdy. Olar onuň üstüne topuldylar-da,
ony öldürip, kellesini kesip aldylar we ol
ýerden çykyp gaçdylar. Soňra olar Iordan
deresiniň ýoly bilen uzak gije ýörediler.
8Ol ikisi Yşboşediň kellesini Hebrona
Dawudyň ýanyna getirip, oňa: «Ine, şu

seniň janyňa kast etmekçi bolan duşma-
nyň Şawulyň ogly Yşboşediň kellesi! Bu
gün Reb Şawuldan we onuň neslinden
şa hezretleriniň aryny aldy» diýdiler.
9-10 Dawut beýerotly Rimmonyň ogullary
Rekap bilen Bagana ýüzlenip: «Me-
ni ähli bela-beterlerden goran Rebden
ant içýärin, maňa biri Şawulyň öldi
habaryny getiripdi we ol gowy habar
getirendirin öýdüpdi. Ýöne men ony
Ziklagda öldürdim. Getiren buşlugy üçin
oňa şeýle „serpaý" ýapylypdy. 11 Heý,
onsoň siz – zalymlar bir bigünäni öz
öýünde, öz düşeginde öldürersiňiz-de,
sizi ýer ýüzünden ýok edip, onuň hunu-
ny sizden almarynmy?» diýdi. 12 Soňra
Dawut nökerlerine emr etdi; nökerler
olary öldürdiler we el-aýaklaryny ke-
sip, göwrelerini Hebrondaky howdanyň
üstünden asdylar. Yşboşediň kellesini
bolsa äkidip, Hebronda Abneriň gubry
goýlan gümmezde jaýladylar.

## 5-nji bap

***Dawut tutuş Ysraýyla patyşa bolýar***
*(1 Ýyl ýazgylary 11:1-9)*

1 Ysraýylyň ähli tireleri Hebrona Da-
wudyň ýanyna baryp, oňa: «Biz seniň
öz süýegiňden we teniňdendiris. 2 Öňle-
rem – Şawul patyşamyzka-da sen ysraýyl
goşunyna serkerdediň. Reb saňa: „Meniň
halkym Ysraýylyň çopany sen bolarsyň,
Ysraýyla sen hökümdarlyk edersiň" di-
ýipdi» diýdiler. 3 Şeýdip, Ysraýylyň ähli
ýaşululary Hebrona Dawudyň ýanyna
ýygnandylar. Şol ýerde Rebbiň huzurynda
Dawut patyşa olar bilen äht edişdi. Ysra-
ýylyň ýaşululary Dawudyň başyna ýag
guýup, Ysraýyla patyşa bellediler. 4 Dawut
patyşa bellenende, otuz ýaşyndady; ol
kyrk ýyl patyşalyk etdi. 5 Dawut Hebron-
da Ýahudanyň üstünden ýedi ýyl, alty aý,
Iýerusalimde oturyp, tutuş Ysraýyl bilen
Ýahuda otuz üç ýyl patyşalyk etdi.
6 Dawut patyşa adamlaryny alyp, Iýe-
rusalimde ýaşaýan ýabuslaryň üstüne
ýöriş etdi. Ýabuslar Dawuda: «Sen bu
ýere girip bilmersiň, hatda körlerdir ag-
saklaram seni yzyňa serpikdirip bilerler»
diýýärdiler. Olar Dawut bu ýere girip
bilmez diýip pikir edýärdiler. 7 Emma
Dawut Sion galasyny basyp aldy. Ol hä-
zir «Dawut galasy» diýlip atlandyrylýar.
8 Dawut şol gün: «Kimde-kim ýabuslary
öldürmekçi bolsa, käriziň içinden geçip,
Dawudy ýigrenýän körlerdir agsakla-
ryň üstüne çozsun» diýdi. («Körlerdir
agsaklar Hudaýyň öýüne girip bilmez-
ler» diýen gep şondan galdy.) 9 Dawut
galany eýeledi we ony «Dawut galasy»
diýip atlandyrdy. Ol Millodan[a] başlap,
galanyň tutuş töweregini täzeden gurdy.
10 Dawut gitdigisaýy güýçlenýärdi,
sebäbi Hökmürowan Hudaý Reb onuň
bilendi.
11 Sur patyşasy Hiram Dawudyň
ýanyna ilçiler bilen kedr agaçlaryny,
agaç ussalarydyr köşk gurujy ussalary
iberdi. Olar Dawut üçin köşk gurdular.
12 Şeýlelikde, Dawut özüni Rebbiň tutuş
Ysraýylyň patyşasy hökmünde berkarar
edendigine hem-de Öz halky Ysraýylyň
hatyrasyna öz patyşalygyny beýgelden-
digine düşündi.
13 Dawut Hebrondan gelenden soň, Iýe-
rusalimde ýene-de gyrnaklardyr aýallar
aldy. Olardan hem Dawudyň ogul-gyzlary
boldy. 14 Onuň Iýerusalimde doglan çaga-
larynyň atlary şulardyr: Şammuwa, Şobap,
Natan, Süleýman, 15 Ýybhar, Elişuwa, Ne-
pek, Ýapyýa, 16 Elişama, Elýada, Elipelet.

[a] **5:9** ***Millo*** – toprak bilen doldurylan jaýryk ýa-da boşluk ýer bolmagy ahmal. Sözlüge seret.

[17]Dawudyň tutuş Ysraýyla patyşalyga
bellenilendigini eşidende, ähli piliştliler
aýaga galyp, onuň gözlegine çykdylar.
Dawut muny eşidip, çöldäki gala gitdi.
[18]Piliştliler gelip, Rapa jülgesine ýaý-
radylar. [19]«Men piliştlileriň garşysyna
çykaýynmy? Sen olary meniň elime
berermiň?» diýip, Dawut Rebbe ýüz
tutdy. Reb oňa: «Bar, piliştlileri şüb-
hesiz seniň eliňe berjekdirin» diýdi.
[20]Şeýlelikde, Dawut Bagalperasyma
gelip, olary şol ýerde derbi-dagyn etdi.
Ol: «Sil bentleriniň böwsülişi kimin,
Reb-de duşmanlaryma meniň elim bilen
zarba urdy» diýdi. Şol sebäpden hem bu
ýere Bagalperasym [a] diýen at dakyldy.
[21]Dawut bilen onuň adamlary piliştlileriň
taşlap giden butlaryny aldylar.

[22]Piliştliler ýene gelip, Rapa jülgesine
ýaýradylar. [23]Dawut Rebbe ýüz tutan-
da, Reb şeýle diýdi: «Olaryň öňünden
çykma. Balzam agaçlary tarapdan ge-
lip, olaryň ýeňsesinden ur. [24]Balzam
agaçlarynyň başlaryndan aýak seslerini
eşideniňde, taýýar bol, sebäbi bu piliştli-
leriň goşunyny derbi-dagyn etmek üçin,
Men – Rebbiň seniň öňüňe düşdügimdir».
[25]Dawut Rebbiň buýruşy ýaly etdi. Ol
Gebadan Gezere çenli bolan aralykda
piliştlileri gyrdy.

## 6-njy bap

### *Dawut Äht sandygyny Iýerusalime getirdýär*

*(1 Ýyl ýazgylary 13:1-14; 15:1–16.3,43)*

[1]Dawut ýene-de Ysraýylyň men diýen
adamlaryndan otuz müňüsini toplady.
[2]Ol Hudaýyň Äht sandygyny getirmek
üçin, adamlary bilen bile Bagala Ýahu-
da galasyna gitdi. Sandyk keruplaryň
arasynda tagt guran Hökmürowan Reb
diýip atlandyrylýar. [3]Olar Hudaýyň san-
dygyny täze araba ýükläp, baýyrlykda
ýerleşýän Abynadabyň öýünden alyp
çykdylar. Täze arabany Abynadabyň
ogullary Uza bilen Ahýo sürüp bar-
ýardylar. [4]Uza Hudaýyň sandygynyň
gapdalyndan [b], Ahýo bolsa sandygyň
öňünden ýöräp barýardy. [5]Dawut we
tutuş ysraýyl halky Rebbiň huzuryn-
da bar güýçleri bilen serwi agajyndan
edilen dürli saz gurallaryny: lira, arfa,
deprek, kimwaldyr kastanet çalyp tans
edýärdiler.

[6]Nakonyň harman jaýyna ýetenlerin-
de, olaryň öküzleri büdredi, Uza elini
uzadyp, Hudaýyň sandygyndan tutdy.
[7]Uza garşy Rebbiň gahary geldi. Bi-
perwaýlyk edendigi üçin, Hudaý ony
şol ýerde öldürdi. Uza edil Hudaýyň
sandygynyň ýanynda jan berdi. [8]Dawut
Rebbiň Uzany öldürendigi üçin gahar-
landy. (Ol ýer şu güne çenli Peres Uza [ç]
diýlip atlandyrylýar.) [9]Dawut şol gün
Rebden gorkup: «Rebbiň sandygyny
nädip meniň ýanyma getirip bolarka?»
diýdi. [10]Şunlukda, Dawut Rebbiň sandy-
gyny Dawut galasyna äkitmek islemedi.
Ol sandygy Gat galasyndan bolan Obe-
dedomyň öýünde goýup gitdi. [11]Rebbiň
sandygy üç aýlap Obededomyň öýünde
durdy. Reb Obededomy we onuň tutuş
hojalygyny ýalkady.

[12]«Reb Obededomyň hojalygyny
hem-de oňa degişli bolanlaryň ählisini

---

[a] **5:20** ***Bagalperasym*** – bu söz *zarba urýan jenap* diýmegi aňladýar.
[b] **6:4** ***Uza Hudaýyň sandygynyň gapdalyndan*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Hudaýyň sandygyny Abynadabyň baýyrlykdaky öýünden alyp çykdylar* diýip duş gelýär.
[ç] **6:8** ***Peres Uza*** – bu söz *Uza garşy gazap* diýmegi aňladýar.

Hudaýyň sandygy üçin ýalkady» diýip,
Dawut patyşa habar berdiler. Dawut gi-
dip, Hudaýyň sandygyny uly şatlyk bilen
Obededomyň öýünden Dawut galasyna
getirdi. 13 Rebbiň sandygyny göterijiler
alty ädim ýöränden soň, Dawut bir öküz
bilen semiz göläni gurbanlyk berdi. 14 Da-
wut nepis zygyr matadan tikilen efot
geýip, Rebbiň huzurynda bar güýji bilen
joşup tans edýärdi. 15 Şunlukda, Dawut
hem-de tutuş ysraýyl halky şatlyk bilen
gygyryşyp, şahdan edilen surnaý çalyp,
Rebbiň sandygyny getirýärdiler.
16 Rebbiň sandygy Dawut galasyna
getirilende, Şawulyň gyzy Mikal penjire-
den seretdi. Dawudyň Rebbiň huzurynda
bökjekläp tans edişini görüp, ol öz ýa-
nyndan Dawuda göwnüýetmezçilik bilen
seretdi. 17 Olar Rebbiň sandygyny getirip,
Dawudyň onuň üçin ýörite guran çady-
rynyň içinde öz ýerinde goýdular. Soňra
Dawut Rebbiň huzurynda ýakma hem
salamatlyk gurbanlyklaryny berdi. 18 Ol
ýakma hem salamatlyk gurbanlyklary-
ny berip bolandan soň, Hökmürowan
Rebbiň adyndan halka pata berdi. 19 Aýal-
-erkek diýmän, ysraýyl halkynyň hersine
bir çörek, bir bölek et hem-de kişmiş
paýlady. Şondan soň tutuş jemagat öýü-
ne dargady.
20 Dawut öz maşgalasyna pata bermek
üçin gaýdyp gelýärkä, Şawulyň gyzy
Mikal öňünden çykyp, oňa şeýle diý-
di: «Bir bolgusyzyň utançsyzlyk bilen
ýalaňaçlanyşy ýaly, öz emeldarlarynyň
gyrnaklarynyň öňünde ýarym-ýala-
ňaçlanyp, gör, bu gün ysraýyl patyşasy
özüne nähili hormat gazandy!» 21 Dawut
Mikala şeýle diýdi: «Bu seniň ataňyň
hem onuň nesliniň ýerine meni saýlan,
meni Öz halky Ysraýyla hökümdar eden
Rebbiň huzurynda boldy. Hawa, men
Rebbiň huzurynda tans etjek. 22 Men
özümi öňküdenem has kiçeldip, mer-
tebämi peseltjek. Emma seniň diýýän
gyrnaklaryň meni şöhrata beslärler».
23 Şawulyň gyzy Mikal dünýäden per-
zentsiz ötdi.

## 7-nji bap

***Rebbiň Dawuda beren wadasy***
*(1 Ýyl ýazgylary 17:1-15)*

1 Dawut patyşanyň öz köşgünde or-
naşan, Rebbiň ony daş-töweregindäki
ähli duşmanlaryndan gorap, oňa rahat
durmuş beren döwrüdi. 2 Şol günlerde
patyşa Natan pygambere: «Seret, men-ä
kedr agajyndan gurlan köşkde ýaşaýaryn,
Hudaýyň sandygy bolsa bir çadyrda dur»
diýdi. 3 Natan Dawuda: «Islän zadyňy
ediber, sebäbi Reb seniň bilendir» diýdi.
4 Emma hut şol gije Natana Rebbiň sözi
aýan boldy: 5 «Bar, gulum Dawuda Reb
şeýle diýýär diý: „Maňa mesgen tutar
ýaly öý gurjak senmi? 6 Men ysraýyl hal-
kyny Müsürden alyp çykan günümden
bäri öýde mesgen tutmadym; çadyrymy
ondan-oňa göçürip ýaşap ýördüm. 7 Tutuş
Ysraýyl bilen bolan ýerlerimiň ählisinde
Öz halkym Ysraýyla baştutanlyk etmegi
buýran serdarlarymyň, heý, birinden:
‘Näme üçin Maňa kedr agajyndan öý
gurmadyňyz?’ diýip soradymmy?“ 8 Indi
sen Meniň gulum Dawuda Hökmü-
rowan Reb ýene-de şeýle diýýär diý:
„Men seni meýdanda goýun bakyp ýören
ýeriňden alyp, Öz halkym Ysraýylyň
hökümdary etdim. 9 Nirä gitseň ýanyňda
boldum, öňüňdäki ähli duşmanlaryňy
gyryp taşladym. Indi bolsa ýer ýüzün-
däki beýik adamlaryň ady kimin seniň
adyňy belende göterjek. 10 Öz halkym
Ysraýyl üçin bir ýer taýynlap, olary şol
ýerde ýerleşdirjek. Şeýdip, olar öz ýer-
lerinde ýaşarlar. Mundan beýläk olaryň

rahatlygy bozulmaz. 11 Halkym Ysra-
ýyla serdarlar bellän döwrümden bäri
sütem edişleri ýaly, betgylyk adamlar
indi olara sütem etmezler. Men seni
ähli duşmanlaryňdan gorap saklajak.
Men-Reb seniň üçin bir öý bina etjek-
digimi jar edýärin. 12 Peýmanyň dolup,
ata-babalaryňa gowşanyňda, ýeriňe öz
ogluňy, öz biliňden önen zürýadyňy
tagta çykaryp, onuň patyşalygyny kuw-
watlandyraryn. 13 Meniň üçin öýi ol gurar.
Men onuň şalyk tagtyny baky berkarar
ederin. 14 Men oňa Ata, ol bolsa Maňa
ogul bolar. Günä gazanaýsa welin, ony
atanyň ogluny taýak bilen jezalandyry-
şy ýaly, Men hem ony jezalandyraryn.
15 Ýöne Şawuly mahrum edişim ýaly,
ony Öz sadyk söýgimden mahrum etme-
rin. 16 Seniň nesliň hem şalygyň Meniň
huzurymda baky berkarar bolar. Şalyk
tagtyň baky dowam eder“». 17 Şeýlelikde,
Natan tutuş bu aýanlygy, ýagny Rebbiň
sözlerini Dawuda gürrüň berdi.

***Dawudyň dogasy***
*(1 Ýyl ýazgylary 17:16-27)*

18 Soňra Dawut gelip, Rebbiň hu-
zurynda oturdy-da, şeýle diýdi: «Ýa
Hökmürowan Reb, men kim, meni şeýle
derejä ýetirer ýaly meniň maşgalam kim?
19 Ýa Hökmürowan Reb, bu zatlary hem
az görýän ýaly, Sen Öz guluň nesliniň
geljegi hakynda hem söz berdiň. Ýa
Hökmürowan Reb, Sen ynsanlar bilen
adatça şeýle iş salyşýaňmy?! 20 Men Saňa
başga näme diýip bilerin?! Ýa Hökmü-
rowan Reb, Sen Öz guluňy tanaýarsyň
ahyryn! 21 Öz sözüňiň hatyrasyna, Öz
göwün islegiňe görä bu beýik işi edip,
guluňa bildirdiň. 22 Eý, Hökmürowan
Reb, Sen beýiksiň! Saňa taý geljek ýok-
dur, Senden başga Hudaý ýok! Muny
öz gulaklarymyz bilen eşitdik. 23 Ýer
ýüzünde Seniň halkyň Ysraýyla taý gel-
jek halk barmyka?! Öz halkym bolsun
diýip, Sen ony Müsür gulçulygyndan
halas etdiň, beýik hem aýylganç işler
bilen Öz adyňy şöhrata beslemek üçin
beýleki milletleri we olaryň hudaýla-
ryny olaryň öňünden kowup çykardyň.
24 Hemişelik Öz halkym bolsun diýip,
halkyň Ysraýyly Özüň üçin ebedi halk
etdiň. Ýa Reb, Sen olaryň Hudaýy bol-
duň. 25 Indi bolsa, Sen, ýa Hudaýymyz
Reb, Öz guluň hem onuň nesli hakda
aýdan sözüňi ebedi sakla-da, diýşiň ýaly
et! 26 Goý, ynsanlar „Hökmürowan Reb
Ysraýylyň Hudaýydyr“ diýip, Seniň ady-
ňy ebedilik belende götersinler. Guluň
Dawudyň nesli Seniň öňüňde kuwwat-
lansyn. 27 „Sebäbi, eý, Ysraýyl Hudaýy
Hökmürowan Reb, Seniň nesliňi baky
berkarar ederin“ diýip, guluňa Özüň
aýan etdiň. Şoňa görä-de, guluň Saňa
ýüzlenip, şu dilegi okamaga milt etdi.
28 Ýa Hökmürowan Reb, Sen Hudaýsyň,
Seniň sözleriň hakdyr. Şu ýagşylyklary
guluňa Sen wada etdiň. 29 Öz huzuryňda
ebedi galsyn diýip, guluňyň nesline pata
bermek, goý, Saňa hoş görünsin! Sebäbi,
ýa Hökmürowan Reb, muny Özüň söz
berdiň. Seniň pataň bilen, goý, guluňyň
nesli baky pataly bolsun!»

## 8-nji bap

***Dawut duşmanlaryny ýeňýär***
*(1 Ýyl ýazgylary 18:1-17)*

1 Birnäçe wagtdan soň Dawut piliştli-
lere zarba urup, olary özüne tabyn etdi.
Ol Metekamma galasyny piliştlileriň
elinden aldy.

2 Ol mowaplylary-da ýeňdi. Olary ýer-
de hatara ýatyryp, ölçeg ýüpi bilen ölçäp,
böleklere böldi. Her üç bölegiň birini
diri galdyryp, iki bölegini öldürip çykdy.

Şeýdip diri galan mowaplylar Dawuda
gul bolup, salgyt tölediler.

3 Soňra Dawut Ýewfrat derýasynyň
töweregindäki agalygygny täzeden
dikeltmek üçin giden Soba patyşasy
Rehobyň ogly Hadadgezeri boýun eg-
dirdi. 4 Dawut onuň bir müň ýedi ýüz
sany söweş arabaly esgerlerini hem-de
ýigrimi müň esgerli pyýada goşunyny
ýesir aldy. Ol atlaryň ýüz araba ýeter
ýalysyny goýup, galanlaryny maýyp
etdi. 5 Damaskda ýaşaýan siriýalylar
Soba patyşasy Hadadgezere kömege
gelende, Dawut siriýalylaryň ýigrimi
iki müňüsini öldürdi. 6 Dawut Damaskda
ýaşaýan siriýalylaryň arasynda goşun
bölümlerini ýerleşdirdi. Siriýalylar Da-
wuda tabyn bolup, oňa salgyt tölediler.
Dawudyň baran ýerinde Reb oňa ýeňiş
berýärdi. 7 Dawut Hadadgezeriň gul-
larynyň göterýän altyn galkanlaryny
alyp, Iýerusalime getirdi. 8 Dawut patyşa
Hadadgezeriň Beta hem-de Berotaý ga-
lalaryndan juda köp bürünç aldy.

9 Hamat şasy Togy Dawudyň Hadad-
gezeriň ähli goşunyny derbi-dagyn
edendigini eşitdi. 10 Hadadgezer bilen
urşup, ondan üstün çykmagy mynasy-
betli Dawut patyşany gutlamak hem-de
hal-ahwal soraşmak üçin, Togy öz og-
ly Ýoramy Dawudyň ýanyna iberdi.
Sebäbi Hadadgezer Togy bilen ýygy-
ýygydan uruşýardy. Ýoram özi bilen
kümüş, altyn hem bürünç sowgatlar
äkitdi. 11-12 Dawut bu sowgatlary-da ähli
boýun egdirenlerinden: edomlylardan,
mowaplylardan, ammonlylardan, pi-
liştlilerden, amaleklerden hem-de Soba
patyşasy Rehobyň ogly Hadadgezerden
alan altyndyr kümüşleri bilen birlikde
Rebbe bagyş etdi.

13 Duz jülgesinde on sekiz müň
edomlyny öldürenden soň, Dawudyň
meşhurlygy has-da artdy. 14 Ol Edomyň
ähli ýerinde goşun bölümlerini ýerleş-
dirdi. Ähli edomlylar Dawuda tabyn
boldular. Dawudyň giden ýerinde Reb
oňa ýeňiş berýärdi.

15 Şeýdip, Dawut tutuş Ysraýyla paty-
şalyk edýärdi. Ol tutuş halkyny adyllyk
hem hakykat bilen dolandyrýardy.
16 Seruýanyň ogly Ýowap onuň goşunba-
şysydy; Ahyludyň ogly Ýehoşapat – baş
emeldardy, 17 Ahytubyň ogly Sadok bilen
Abýataryň ogly Ahymelek – ruhanydy-
lar, Seraýa – kätipdi, 18 Ýehoýadanyň
ogly Benaýa – keretler bilen peletleriň
baştutanydy, Dawudyň ogullary bolsa
ruhanydylar.

## 9-njy bap

### *Dawut we Mepiboşet*

1 Dawut: «Ýonatanyň hatyrasy üçin
ýagşylyk ederim ýaly, Şawulyň nes-
linden galan barmyka?» diýip sorady.
2 Şawulyň neslinden Siba atly bir hyz-
matkär bardy. Ony Dawudyň ýanyna
çagyrdylar. Patyşa ondan: «Sen Siba-
my?» diýip sorady. Siba: «Hawa, men
şol guluň» diýip jogap berdi. 3 Patyşa
ondan: «Şawulyň neslinden aman ga-
lan barmy? Hudaýyň hatyrasyna men
oňa wepalylyk görkezjek» diýip sorady.
Siba: «Ýonatanyň iki aýagy-da agsak
bir ogly bar» diýip jogap berdi. 4 Patyşa
ondan: «Ol nirede?» diýip sorady. Siba:
«Ol Lodebarda, Emiýeliň ogly Maky-
ryň öýünde» diýip jogap berdi. 5 Dawut
patyşa Ýonatanyň ogluny Lodebardan,
Emiýeliň ogly Makyryň öýünden getirt-
di. 6 Ýonatanyň ogly, Şawulyň agtygy
Mepiboşet Dawudyň ýanyna geldi. Ol
ýere ýüzin düşüp, patyşa tagzym etdi.
Dawut: «Mepiboşet!» diýdi. Ol: «Ha-
wa, men şol guluň!» diýip jogap berdi.

7 Dawut oňa: «Gorkma, kakaň Ýona-
tanyň hatyrasyna men saňa ýagşylyk
etjek. Ataň Şawulyň ähli ýerlerini saňa
gaýtaryp berjek. Sen hemişe meniň
saçagymdan naharlanarsyň» diýdi. 8 Me-
piboşet oňa tagzym edip: «Men guluň
öli bir it ahyryn, näme üçin sen maňa
ýagşylyk edýäň?» diýdi. 9 Soňra patyşa
Şawulyň hyzmatkäri Sibany çagyryp,
oňa: «Şawula hem onuň nesline degişli
bolan zatlaryň ählisini jenabyňyň ag-
tygyna berendirin. 10 Sen ogullaryň we
hyzmatkärleriň bilen ýeri onuň üçin
bejerip, hasylyny ýygnarsyň, şonda ol
jenabyňyň agtygynyň harajady bolar,
emma jenabyňyň agtygy Mepiboşet
hemişe meniň saçagymdan naharla-
nar» diýdi.

Sibanyň on bäş ogly bilen ýigrimi
hyzmatkäri bardy. 11 Siba Dawut patyşa:
«Şa hezretleriniň men guluna emr eden
zatlarynyň ählisi berjaý ediler» diýdi.

Mepiboşet edil Dawudyň öz ogul-
larynyň biri ýaly onuň saçagyndan
naharlanýardy. 12 Mepiboşediň Mika atly
ýaşajyk bir ogly bardy. Sibanyň öýünde
ýaşaýanlaryň ählisi indi Mepiboşediň
hyzmatkärleri boldular. 13 Mepiboşet Iýe-
rusalimde ýaşaýardy, sebäbi ol hemişe
patyşanyň saçagyndan naharlanýardy.
Onuň iki aýagy-da agsakdy.

### 10-njy bap

***Dawut Ammon hem-de amorlary derbi-dagyn edýär***

*(1 Ýyl ýazgylary 19:1-19)*

1 Birnäçe wagtdan soň Ammon patyşa-
sy Nahaş ölüp, ýerine ogly Hanun tagta
çykdy. 2 Dawut: «Nahaş maňa wepaly
boldy, men hem onuň ogly Hanuna we-
paly bolaýyn» diýdi. Ony kakasy üçin
çekýän hasratyndan köşeşdirmek üçin,
Dawut onuň ýanyna birnäçe çaparlar
ýollady. Dawudyň çaparlary Ammon
ýurduna baranda, 3 ammon begleri öz
patyşasyna şeýle diýdiler: «Dawut sa-
ňa köşeşdirijileri ataňyň hormaty üçin
iberendir öýdýäňmi? Ol öz çaparlaryny
galany basyp almak üçin, ony gözden
geçirmäge iberendir». 4 Şonda Hanun
Dawudyň çaparlaryny tutup, olaryň
sakgallarynyň deň ýarysyny syrdyryp,
geýimlerini syrtlaryna çenli ortasyndan
kesdirip, yzlaryna ugratdy. 5 Bu hakda
Dawuda habar berenlerinde, ol: «Sakga-
lyňyz ösýänçä, Ýerihoda boluberiň, soň
gelersiňiz» diýen tabşyryk bilen olaryň
öňünden adam iberdi, çünki olar gaty
utanýardylar.

6 Dawudy özlerine duşman edendik-
lerine düşünip, ammonlar Beýtrehop
bilen Sobadan siriýalylaryň ýigrimi
müň esgerini, Topdan on iki müň adamy
hem-de Magaka patyşasyny müň ada-
my bilen bile hakyna tutdular. 7 Dawut
muny eşidip, Ýowap bilen batyr esgerli
tutuş goşuny olaryň garşysyna sürdi.
8 Ammonlar çykyp, galanyň derweze-
siniň agzynda söweşmek üçin nyzama
durdular. Emma Soba bilen Rehop gala-
laryndan gelen siriýalylar we Topuň hem
Magakanyň adamlary açyk meýdanda
aýratyn nyzama durdular.

9 Özüniň hem arkasynda, hem öňünde
söweşiň ýaýbaňlanandygyny gören Ýo-
wap Ysraýylyň saýlama esgerlerini alyp,
olary siriýalylaryň garşysyna nyzama
duruzdy. 10 Galan goşuny öz dogany Aby-
şaýyň eline berdi we olary ammonlaryň
garşysyna nyzama duruzdy. 11 Ýowap:
«Bardy-geldi siriýalylar menden güýçli
çykaýsalar, sen maňa kömege ýetişersiň;
bardy-geldi ammonlar senden güýçli
bolup çykaýsalar, onda men saňa kö-
mege ýetişerin. 12 Mert bol, halkymyz

üçin we Hudaýymyzyň galalary üçin
dözümli söweşeli. Reb bolsa Öz islänini
eder» diýdi. 13 Şeýdip, Ýowap hem onuň
goşunlary siriýalylara garşy söweşe
girişdiler; duşmanlar Ýowapdan gaç-
dylar. 14 Siriýalylaryň gaçanyny gören
ammonlar Abyşaýdan gaçyp, gala girdi-
ler. Şondan soň Ýowap ammonlar bilen
söweşmesini bes edip, yzyna gaýtdy we
Iýerusalime geldi.

15 Özleriniň ysraýyllardan ýeňlen-
diklerini gören siriýalylar bir ýere
toplanyşdylar. 16 Hadadgezer Ýewfradyň
aňyrsyndaky siriýalylara habar ýollap,
söweşe çykardy. Olar Hadadgezeriň go-
şunbaşysy Şobagyň baştutanlygynda
Heýlam galasyna geldiler. 17 Dawut muny
eşidip, ähli ysraýyllary toplap, Iordan der-
ýasyndan geçdi we Heýlam galasyna geldi.
Siriýalylar Dawudyň garşysyna nyzama
durdular we söweşe girişdiler. 18 Siriýa-
lylar ysraýyllaryň goşunyndan gaçdylar.
Dawut olaryň ýedi müň söweş arabaly
esgerlerini hem-de pyýada goşundan
kyrk müň adamy öldürdi. Ol siriýalylaryň
goşunbaşysy Şobagy ýaralady; Şobak
şol ýerde jan berdi. 19 Hadadgezere tabyn
bolan hanlaryň ählisi özleriniň ysraýyl-
lardan ýeňlendiklerine göz ýetirdiler;
olar bilen ylalaşyk baglaşyp, olara boýun
egdiler. Siriýalylar hem mundan beýläk
ammonlara kömek etmekden gorkdular.

## 11-nji bap

### *Dawut bilen Batşeba*

1 Ýaz paslynda, patyşalaryň ýörişe
gidýän döwri Dawut öz nökerlerini,
ähli ysraýyl goşunyny Ýowabyň ýol-
başçylygy astynda söweşe ýollady. Olar
ammonlary kül-peýekun etdiler, Raba
galasyny gabawa aldylar. Emma Dawut
Iýerusalimde galypdy.

2 Bir gün agşamara Dawut düşeginden
turup, köşgüň üçegine çykdy-da, gezim
etmäge başlady. Şol wagt suwa düşünip
duran bir aýala onuň gözi düşdi. Aýal
diýseň görmegeýdi. 3 Aýalyň kimdigi-
ni bilmek islän Dawut onuň ýanyna
adam iberdi. Iberilen gidip gelip, onuň
Eligamyň gyzy, het halkyndan bolan
Uryýanyň aýaly Batşebadygyny Da-
wuda habar berdi. 4 Dawut adamlaryna
aýaly getirmegi buýurdy. Aýal Dawudyň
ýanyna geldi. Dawut aýbaşydan ýaňy
arassalanan Batşeba bilen ýatdy. Soňra
aýal öýüne gaýtdy. 5 Aýal göwreli bol-
dy we Dawuda: «Men göwreli» diýip
habar ýollady.

6 «Het halkyndan bolan Uryýany me-
niň ýanyma iber» diýip, Dawut Ýowaba
habar etdi. Ýowap Uryýany Dawudyň
ýanyna iberdi. 7 Uryýa ýanyna gelende,
Dawut ondan Ýowabyň we goşunyň
hal-ýagdaýy, urşuň gidişi hakda soraş-
dyrdy. 8 Soňra ol Uryýa: «Öýüňe bar-da,
dynjyňy al» diýdi. Uryýa patyşanyň
köşgünden çykanda, onuň yzyndan paty-
şanyň sowgadyny hem äkitdiler. 9 Emma
Uryýa öz jenabynyň ähli nökerleri bilen
bile şa köşgüniň gapysynda ýatdy; öýüne
gitmedi. 10 Onuň öz öýüne gitmändigini
Dawuda habar berenlerinde, ol Uryýa-
dan: «Sen ýaňyja ýoldan geldiň. Näme
üçin öýüňe gitmediň?» diýip sorady.
11 Uryýa Dawuda: «Äht sandygy bilen
ysraýyllardyr ýahudalar çadyrdakalar,
jenabym Ýowapdyr onuň nökerleri meý-
dandakalar, men iýip-içmek we aýalym
bilen ýatmak üçin öýüme gideýinmi?
Seniň ömrüňden hem janyňdan ant iç-
ýärin, men beýle iş edip bilmerin» diýdi.
12 Dawut Uryýa: «Bu günem şu ýerde
bol, ertir men seni yzyňa ugradaryn»
diýdi. Şunlukda, Uryýa ol gün hem
Iýerusalimde galdy. 13 Ertesi gün Dawut

ony çagyryp, iýdirip-içirip serhoş etdi.
Agşam Uryýa ýene-de öz öýüne gitmän,
jenabynyň nökerleri bilen bile öňki ýat-
ýan ýerine gitdi. 14 Ertesi irden Dawut
Ýowaba hat ýazyp, Uryýadan iberdi.
15 Dawut hatynda şeýle ýazdy: «Uryýa-
ny söweşiň iň gazaply gidýän ýerinde
goý-da, onuň ýanyndan aýryl. Goý, ol
ýaralanyp ölsün». 16 Ýowap galany gabaw
astynda saklap, gowy synlansoň, gaý-
duwsyz adamlaryň bar ýerini bilýärdi.
Ol Uryýany şol ýerde goýdy. 17 Galanyň
adamlary çykyp, Ýowap bilen söweşmä-
ge başladylar. Dawudyň nökerlerinden
birnäçesi öldi. Öldürilenleriň arasynda
het halkyndan bolan Uryýa-da bardy.
18 Ýowap adam iberip, söweş baradaky
maglumatlaryň ählisini Dawuda ýe-
tirdi. 19 Ol çapara şeýle diýdi: «Söweş
hakyndaky habarlaryň ählisini patyşa
gürrüň berip bolanyňdan soň, 20 patyşa
gazaba münüp: „Näme üçin gala beýle
golaý bardyňyz? Olaryň sizi diwaryň
üstünden oka tutjakdyklaryny bilme-
ýärmidiňiz näme? 21 Ýerubagalyň ogly
Abymelegi bir aýalyň öldürendigini bil-
meýärmidiňiz? Tebezde ol aýal diwaryň
üstünden oňa degirmen daşyny zyňyp
öldürmänmidi? Näme üçin diwara gaty
golaý bardyňyz?“ diýäýse, şol wagt: „Si-
ziň het halkyndan bolan guluňyz Uryýa
hem öldi“ diýersiň».

22 Çapar gidip, Ýowabyň tabşyranlary-
nyň ählisini Dawuda gürrüň berdi. 23 Ol
Dawuda şeýle gürrüň berdi: «Duşmanyň
güýji biziňkiden agdyk eken. Olar biziň
garşymyza meýdana çykdylar, emma
biz derwezäniň agzyna çenli olaryň
yzlaryndan kowduk. 24 Şonda ýaýçylar
diwaryň üstünden seniň adamlaryňy
oka tutdular; olaryň arasynda ölenleri
hem boldy. Het halkyndan bolan gulu-
ňyz Uryýa hem şonda öldi». 25 Dawut
çapara: «Ýowaba aýt, goý, bu iş üçin ol
köp alada galmasyn; gylyç kä oňa de-
ger, kä muňa. Galanyň üstüne hüjümi
güýçlendirsinler-de, ony ýumursynlar.
Şu sözler bilen ony ruhlandyr» diýdi.

26 Uryýanyň aýaly adamsynyň ölen-
digini eşidip, onuň ýasyny tutdy. 27 Ýas
gutarandan soň, Dawut adam iberip, ol
aýaly köşgüne getirtdi. Şeýdip, ol Da-
wudyň aýaly boldy. Ondan Dawudyň
bir ogly boldy.

Ýöne Dawudyň eden bu işi Rebbiň
nazarynda nejislikdi.

## 12-nji bap

### *Natan pygamber Dawuda käýeýär*

1 Reb Dawudyň ýanyna Natan pygam-
beri iberdi. Ol Dawudyň ýanyna baryp,
oňa şeýle diýdi: «Galalaryň birinde birisi
baý, beýlekisi garyp bolan iki sany adam
ýaşapdyr. 2 Baýyň süri-süri goýnudyr
sygry bolupdyr. 3 Garybyň bolsa bar
baýlygy ýeke-täk guzujygy eken. Ol
ony satyn alyp, öz ýanynda çagalary
bilen bile ulaldypdyr. Ol öz eýesi bilen
bir tabakdan iýip, bir käseden suw içip-
dir. Garyp ony öz gujagynda ýatyrýan
eken. Ol oňa edil öz gyzy ýaly seredipdir.
4 Günlerde bir gün ýaňky baý adamyň
öýüne myhman gelipdir. Myhman üçin
öz goýunlaryndan ýa-da sygyrlaryndan
alyp soýmaga onuň gözi gyýman, hälki
garybyň guzusyny alyp, şondan nahar
taýýarlapdyr». 5 Baýa juda gahary gelip,
Dawut Natana: «Rebden ant içýärin, bu
adamyň başy ölümlidir. 6 Şeýle eden-
digi hem rehimsizligi üçin, ol guzyny
dört esse edip gaýtarar» diýdi. 7 Natan
Dawuda şeýle diýdi: «Şol adam – sen!
Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär: „Seni
Ysraýyla patyşalyga saýlanam, Şawu-
lyň elinden halas edenem Men. 8 Men

saňa hojaýynyňyň hojalygyny berdim,
aýallaryny gujagyňa saldym. Saňa ys-
raýyl bilen ýahuda halkyny hem berdim.
Bulary az gören bolsaň, onda ýene-de
köp zatlary bererdim. 9 Näme üçin sen
Men-Rebbiň ýigrenýän işlerini etmek
bilen, Meniň sözümi äsgermediň? Het
halkyndan bolan Uryýany söweşde gy-
lyçdan geçirdip, onuň aýalyny özüňe aýal
edindiň. Ony ammonlaryň gylyjy bilen
öldürdiň. 10 Mundan beýläk gylyç müdi-
milik seniň nesliňiň depesinden düşmez.
Sebäbi sen Meni äsgermediň we het hal-
kyndan bolan Uryýanyň aýalyny özüňe
aýal edindiň“». 11 Reb şeýle diýýär: «Saňa
erbetligi öz öýüňden dörederin. Aýalla-
ryňy öz gözüňiň alnynda eliňden alyp,
ýakynyňa bererin. Ol ýakynyň gündiziň
günortany aýallaryň bilen ýatar. 12 Sen bu
işi gizlin etdiň, emma Men muny tutuş
Ysraýylyň gözüniň alnynda, gündiziň
günortany ederin». 13 Dawut Natana:
«Men Rebbiň öňünde günä gazandym»
diýdi. Natan Dawuda: «Reb seniň günäňi
geçdi; sen ölmersiň. 14 Ýöne bu işi etmek
bilen, sen Rebbi doly äsgermezlik etdiň,
şol sebäpli senden doguljak çaga öler»
diýdi. 15 Şondan soň Natan öýüne gitdi.

### *Dawudyň ogly ölýär*

Reb Dawudyň Uryýanyň aýalyndan
doglan ogluny urdy; çaga agyr keselle-
di. 16 Dawut çaga üçin Hudaýa ýalbardy,
agyz bekledi, otagyna girip, bütin gije-
ler ýanyny ýere berip ýatdy. 17 Köşgüň
ýaşululary gelip, ony ýerden galdyrmak
islediler. Emma ol ne ýerinden turdy,
ne-de olar bilen bile nahar iýdi. 18 Ýedinji
gün diýlende, çaga ýogaldy. Dawudyň
adamlary bu hakda oňa habar bermekden
gorkdular. Olar: «Çaga heniz dirikä, ol
biziň gepimize gulak asmady. Indi ça-
ganyň ölendigini biz oňa nähili aýdarys?
Özüne bir zat eder» diýip oýlandylar.
19 Ýöne Dawut adamlarynyň arasynda
bir hyşy-wyşynyň bardygyny görüp,
çaganyň ýogalandygyna düşündi. Ol
adamlaryna: «Çaga ýogaldymy?» diýdi.
Olar: «Hawa, ýogaldy» diýdiler.
20 Dawut ýerinden galdy, ýuwundy, üs-
tüne atyr sepdi we geýimlerini çalşyrdy.
Soňra Rebbiň öýüne gidip ybadat etdi.
Soň öýüne gaýdyp geldi we naharlanjak-
dygyny aýtdy. Öňünde nahar goýdular,
ol naharlandy. 21 Adamlary oňa: «Çaga
dirikä, agyz bglobalediň we agladyň. Ol
ýogalandan soň bolsa, turup naharlan-
dyň. Bu näme etdigiň boldy?» diýdiler.
22 Dawut: «Çaga dirikä, agyz bekledim,
agladym. Sebäbi men: „Kim bilýär, bel-
ki, Reb maňa rehim eder, çaga gutular“
diýip oýlanypdym. 23 Emma ol ýoga-
lansoň, men näme üçin agyz bekläýin?
Men ony yzyna getirip bilerinmi? Men
onuň ýanyna giderin welin, ol indi me-
niň ýanyma gelmez» diýip jogap berdi.

### *Süleýman dogulýar*

24 Dawut aýaly Batşeba göwünlik berdi
we onuň bilen ýatdy. Batşeba bir ogul
dogurdy; Dawut onuň adyna Süleýman
dakdy. Reb çagany söýdi 25 we Rebbiň
hatyrasy üçin, bu çaganyň adyna Ýe-
didýa [a] dakylmalydygy hakda Natan
pygamberiň üsti bilen habar iberdi.
26 Indi Ýowap ammonlaryň Raba ga-
lasynyň garşysyna uruşýardy. Ol şa
galasyny basyp aldy. 27 Ýowap Dawu-
da: «Men Raba galasyna hüjüm edip,
suw çeşmelerini eýeledim. 28 Indi sen
goşunyň galan bölegini topla we gala-
nyň çar tarapyndan çozup, ony basyp

[a] **12:25** ***Ýedidýa*** – bu söz *Reb tarapyndan söýlen* diýmegi aňladýar.

al. Bolmasa galany özüm basyp alaryn
we ol meniň adym bilen atlandyrylar»
diýip habar iberdi. 29Dawut ähli goşu-
ny toplap, Raba galasyna hüjüm edip,
ony boýun egdirdi. 30Dawut ammonla-
ryň patyşasynyň başyndan altyn täjini
aldy; onuň agramy iki putdy[a], onuň
ýüzüne gymmatbaha daş oturdylandy.
Ony Dawudyň kellesine geýdirdiler.
Dawut galadanam köp mukdarda olja
aldy. 31Galanyň halkyny bolsa Dawut
galadan göçürip byçgy, demir kätmen
hem-de palta bilen işlenilýän işlere ýa-da
kerpiç işlerine goýdy. Ol ammonlaryň
ähli galalarynda şeýle edenden soň, ähli
goşun bilen bile Iýerusalime dolandy.

## 13-nji bap

### *Amnon we Tamar*

1Aradan esli wagt geçdi. Dawudyň
ogly Abşalomyň Tamar atly bir owadan
uýasy bardy. Dawudyň başga bir ogly
Amnon oňa aşyk boldy. 2Öz enebaşga
uýasy Tamara bolan yşk heserinden ýa-
ňa gussa çekip, ol keselledi. Ol boý gyz
bolansoň, oňa bir zat etmek Amnona
kyn bolup görünýärdi. 3Ýöne Amnonyň
Ýonadap diýen bir dosty bardy. Ýonadap
Dawudyň dogany Şimganyň ogludy. Ol
juda mekir adamdy. 4Ýonadap Amnona:
«Eý, şazada, gün-günden halyň perişan
bolup barýar-la! Belki, munuň sebäbini
maňa aýdarsyň?!» diýdi. Amnon oňa:
«Doganym Abşalomyň uýasy Tamara
aşyk boldum» diýdi. 5Ýonadap oňa:
«Kesellän bol-da, düşegiňe geçip ýat.
Kakaň halyňy soramaga gelende, oňa:
„Uýam Tamar gelip, meni naharlasyn. Ol
öz ýanymda nahar taýýarlasyn. Onuň öz
ýanymda nahar taýýarlanyny göräýeýin
hem-de nahary onuň öz elinden iýäýeýin“
diýip aýt» diýdi. 6Şunlukda, Amnon ke-
sellän kişi bolup, düşegine geçip ýatdy.
Patyşa halyny soramaga gelende, ol:
«Uýam Tamar gelip, ýanymda tagamly
kökeler bişirip bersedi, men onuň öz
elinden iýsedim» diýdi.

7Dawut: «Dogany Amnonyň öýüne
barsyn-da, oňa nahar taýýarlasyn» diýip,
Tamaryň yzyndan adam iberdi. 8Tamar
doganynyň öýüne bardy. Amnon düşek-
de ýatyrdy. Tamar hamyr ýugrup, ony
ýaýdy, doganynyň ýanynda tagamly kö-
keler bişirdi. 9Kökeleri tabaga saldy-da,
getirip, onuň öňünde goýdy, ýöne ol iý-
medi. Amnon: «Ýanymdakylaryň ählisi
çyksyn» diýdi. Hemmeler onuň ýanyn-
dan çykdylar. 10Şonda Amnon Tamara:
«Kökeleri ýatjak jaýyma elt, men ony
öz eliňden iýjek» diýdi. Tamar bişiren
tagamly kökelerini dogany Amnonyň
ýatjak jaýyna alyp bardy. 11Tamar köke-
leri onuň ýanyna alyp gelende, Amnon
oňa ýapyşyp: «Uýam, gel, bile ýataly-la!»
diýdi. 12Tamar oňa şeýle diýdi: «Ýok,
dogan, namysyma degme! Ysraýylda
munuň ýaly zat görlen däldir. Beýle
nejis iş etme! 13Beýle masgaraçylykdan
soň men nirä giderin?! Senem Ysraýylyň
binamyslarynyň biri bolup galarsyň. Go-
wusy, git-de, patyşa bilen gepleş. Ol meni
senden gaýgyrmaz». 14Ýöne Amnon oňa
gulak asmagam islemän, ondan güýçli
bolansoň, ony zorlady. 15Şondan soň on-
da Tamara bolan güýçli ýigrenç döredi.
Bu ýigrenç onuň öňki yşk heserinden-de
has güýçlüdi. Amnon oňa: «Çyk!» diýdi.
16Emma Tamar: «Ýok, dogan, kowmak
bilen maňa edýän bu ýamanlygyň öňki
eden ýamanlygyňdan hem uludyr» diýdi.
Emma Amnon oňa gulak asmady. 17Ol

[a] **12:30** ***Iki put*** – ýewreýçe *bir kikkar.* Bu takm. 34 kg deňdir.

hyzmatkär ýigidini çagyryp: «Şu aýa-
ly öýden çykar-da, gapyny ýap» diýdi.
18 Hyzmatkär ony öýden çykaryp, gapy-
ny ýapdy. (Tamaryň egninde ýeňli uzyn
köýnegi bardy. Ir döwürlerde şalaryň
ýetişen gyzlary şeýle geýner ekenler.)
19 Tamar başyndan kül sowrup, egnin-
däki köýneginiň ýakasyny ýyrtdy. Elleri
bilen başyny tutup, ýolboýy möňňürip
aglap gitdi.

20 Dogany Abşalom oňa: «Saňa do-
ganyň Amnon el urdumy? Häzirlikçe
sesiňi çykarma, uýam, ol seniň doganyň.
Munuň üçin özüňi horlama» diýdi. Şeý-
dip, Tamar dogany Abşalomyň öýünde
ýalňyz ýaşaberdi.

21 Bolan işi eşidende, Dawut patyşanyň
juda gahary geldi. 22 Uýasynyň namysy-
na degendigi üçin, Abşalom Amnony
ýigrenýärdi. Ýöne ol Amnona ýagşy-
dan-ýamandan hiç zat diýenokdy.

### *Abşalom ar alýar*

23 Iki ýyldan soň Abşalom Efraýyma
golaý bolan Bagalhasorda goýun gyrk-
dyrýardy. Ol patyşanyň ähli ogullaryny
şol ýere çagyrdy. 24 Abşalom patyşanyň
ýanyna gelip: «Guluň häzir goýun gyrk-
dyrýar. Özüňiz hem-de adamlaryňyz
men guluň bilen bile gidäýseňiz» diýdi.
25 Emma patyşa oňa: «Ýok, oglum, hem-
mämiz gitmäli; biz saňa ýük bolarys»
diýdi. Abşalom hernäçe ýalbarsa-da,
Dawut gitmäge razy bolmady, ýöne oňa
ak pata berdi. 26 Abşalom oňa: «Bolmasa,
doganym Amnon gidäýsin» diýdi. Patyşa
oňa: «Näme üçin ol seniň bilen gitmeli?»
diýip sorady. 27 Emma Abşalom ýalbaryp,
Amnony we beýleki ähli ogullaryny
özi bilen ibermäge patyşany razy etdi.
28 Abşalom hyzmatkärlerine şeýle buýruk
berdi: «Serediň, Amnon şerapdan serhoş
bolanda, men: „Amnony uruň“ diýerin.
Şonda siz ony öldürersiňiz. Gorkmaň. Si-
ze muny men buýurýandyryn. Gorkmaň,
mert boluň!» 29 Abşalomyň adamlary
Amnony buýrulyşy ýaly etdiler. Şanyň
beýleki ogullary bolsa öz gatyrlaryna
münüp gaçdylar.

30 Olar entek ýoldakalar, Dawuda: «Ab-
şalom seniň ogullaryňyň ýekesini-de
goýman, baryny öldüripdir» diýip ha-
bar berdiler. 31 Patyşa turup, ýakasyny
ýyrtyp, ýer bagyrtlady. Onuň ýanynda-
ky adamlary-da ýakalaryny ýyrtdylar.
32 Emma Dawudyň dogany Şimganyň
ogly Ýonadap: «Şa hezretleri: „Ogulla-
rymyň baryndan dyndarypdyrlar“ diýip
pikir etmesin. Öldürilen diňe Amnon. Bu
Amnonyň öz uýasy Tamaryň namysyna
degen gününden bäri Abşalomyň ýüre-
gine düwen niýetidi. 33 Şoňa görä, goý, şa
hezretleri ogullarynyň ählisi ölen ýaly
bolup, özüni horlap oturmasyn. Diňe
Amnon öldi» diýdi.

34 Abşalom gaçyp gidipdi. Dag tarap-
daky Horonaýym ýolundan bir topar
adamyň gelýändigine gözegçi nökeriň
gözi düşdi. 35 Ýonadap patyşa: «Hanha,
seret, guluňyň aýdyşy ýaly, ogullaryň
gelýär» diýip, 36 sözüni soňlap-soňlaman-
ka, şanyň ogullary gelip ýetdiler. Olar
ses edip aglaşdylar. Patyşa bilen onuň
adamlary-da gözýaş döküp aglaşdylar.

37 Abşalom gaçyp, Geşur patyşasy Emi-
hudyň ogly Talmaýyň ýanyna gitdi. Dawut
bolsa uzak wagtlap oglunyň ýasyny tutdy.

38 Geşura gaçyp baran Abşalom ol
ýerde üç ýyl ýaşady. 39 Amnonyň ölü-
minden soň, köp wagtyň geçmegi bilen
Dawut patyşa köşeşdi, ol indi Abşalomy
yzarlajak hem bolmady [a].

[a] **13:39** ***Ol indi Abşalomy yzarlajak hem bolmady*** – ýa-da *ol Abşalomy küýseýärdi.*

## 14-nji bap

### *Abşalom Iýerusalime gaýdyp gelýär*

1Patyşanyň Abşalom hakda pikir et-
mesini goýup bilmeýändigine Seruýanyň
ogly Ýowap göz ýetirdi. 2Ýowap Teko-
wa galasyna adam iberip, ol ýerden bir
dana aýaly getirtdi. Ýowap aýala: «Ýas
lybasyna girersiň-de, ýas tutýan kişi
bolarsyň; atyr sepinmersiň, özüňi esli
wagtdan bäri bir merhumyň ýasyny
tutýan ýaly alyp bararsyň; 3patyşanyň
ýanyna baryp, meniň diýenlerimi oňa
aýdarsyň» diýip, aýtmaly sözlerini onuň
agzyna salyp berdi.
4Tekowaly aýal patyşanyň huzuryna
bardy-da, ýere ýüzin düşüp, oňa tagzym
edip: «Kömek ediň, eý, şahym!» diýdi.
5Patyşa: «Näme boldy?» diýip sorady.
Aýal şeýle diýdi: «Wah, men bir äri ölen
dul aýal. 6Gyrnagyňyzyň iki sany ogly
bardy. Bir gün olar meýdanda uruşdylar.
Ol ýerde olary aralamaga adam bolman-
soň, biri beýlekisini urup öldürdi. 7Indi
tutuş tire gyrnagyňyza garşy çykyp:
„Doganyny öldüreni biziň elimize ber,
onuň özüni-de öldürip, ondan doganynyň
ganyny aljak. Şeýdip, biz mirasdary-da
öldürjek“ diýýärler. Şeýdip, olar oja-
gymyň galanja oduny-da söndürip, ýer
ýüzünde adamymdan nam-nyşan galdyr-
majak bolýarlar». 8Patyşa aýala: «Bolýar,
gidiber, men sen hakda perman bererin»
diýdi. 9Tekowaly aýal patyşa ýüzlenip:
«Eý, şa hezretleri, günäsi meniň hem-de
atamyň nesliniň boýnuna. Goý, şa hem-
de onuň tagty günäden azat bolsun»
diýdi. 10Patyşa: «Eger biri bir zat diýäýse,
meniň ýanyma alyp gel, hiç zat diýmez
ýaly ederin» diýdi. 11Aýal: «Goý, şa hez-
retleri öz Hudaýy Rebden ant içsin we
öldürileniň hossary mundan beýläk adam
öldürmesin, meniň oglumam diri galsyn»
diýdi. Patyşa: «Rebden ant içýärin, og-
luňa barmagyny batyran adam bolmaz»
diýdi. 12Aýal: «Ygtyýar etseňiz, şa hezret-
lerine gyrnagyňyzyň bir sözi bar» diýdi.
Patyşa: «Aýt!» diýdi. 13Aýal şeýle diýdi:
«Onda näme üçin Hudaýyň halkyna gar-
şy beýle işleri küýüňe getirýäň? Şanyň
bu aýdýanlary onuň özüni ýazgarýar,
sebäbi siz kowan adamyňyzy gaýtaryp
getirmeýärsiňiz. 14Dökülip, topraga siňip
giden suw ýaly, ählimiz dünýäden öteris.
Ýöne Hudaý jany almaz. Ol kowlanlary
Özünden uzaklaşdyrmazlygyň alajyny
tapýar. 15Adamlar meni gorkuzansoň, şa
hezretlerine şulary aýtmak üçin geldim.
Men gyrnagyň: „Patyşa ýetireýin, belki,
ol gyrnagynyň dilegini bitirer, 16meni
diňlär hem-de öz gyrnagyny we onuň
ogluny Hudaýyň halkyna beren mülkün-
den mahrum etjek bolýanlaryň elinden
halas eder, 17şa hezretleriniň sözi meni
köşeşdirer“ diýip pikir etdim. Sebäbi ol
Hudaýyň perişdesi ýaly, ýagşyny-ýamany
seljerýär. Goý, Hudaýyň Reb seniň bilen
bolsun!» 18Patyşa aýala bakyp: «Bir zat
sorajak, ýöne menden hiç zat ýaşyrma!»
diýdi. Aýal: «Aýdyberiň, şa hezretleri!»
diýdi. 19Patyşa: «Şu işlerde Ýowabyň
eli-hä ýokdur-da?!» diýdi. Aýal: «Şa
hezretleriniň ömri uzak bolsun! Patyşa-
nyň aýdan zadyndan hiç kim saga-sola
sowlup bilmez. Hut şa hezretleriniň aý-
dyşy ýaly, gyrnagyňy Ýowap iberdi we
aýtmaly sözleriniň ählisini gyrnagyňyň
agzyna ol salyp iberdi. 20Guluň Ýowap
muny ýagdaýy üýtgetmek üçin etdi. Ýöne
şa hezretleri Hudaýyň perişdesi ýaly da-
nadyr; ol ýer ýüzünde bolup geçýän ähli
işleri bilýär» diýip jogap berdi.
21Şondan soň patyşa Ýowaba: «Bolýar,
men razy; bar, ýaş ýigidi – Abşalomy
yzyna getir» diýdi. 22Ýowap ýere ýüzin

düşüp tagzym etdi we patyşa alkyş aýtdy.
Soňra ol patyşa: «Eý, şa hezretleri, öz
islegini berjaý edendigiňize görä, siziň
nazaryňyzda rehim-şepagat tapandygy-
ny men guluňyz bilýär» diýdi. [23] Şondan
soň Ýowap Geşura gidip, Abşalomy Iýe-
rusalime getirdi. [24] Patyşa: «Goý, ol öz
öýüne gitsin, meniň gözüme görünme-
sin» diýdi. Şeýdip, Abşalom patyşanyň
gözüne görünmän, öz öýüne gitdi.

### *Dawut Abşalomy bagyşlaýar*

[25] Görmegeýlikde Abşalom ýaly mag-
talýan adam tutuş Ysraýylda ýokdy.
Depesinden dyrnagyna çenli onuň ýe-
keje-de kemi ýokdy. [26] Saçyny gyrkyp,
(kellesine agram salýandygy üçin, ol her
ýylyň ahyrynda saçyny gyrkardy) şanyň
terezisi bilen onuň saçynyň agramy
çekilip görlende, ol bäş ýüz mysgala [a]
ýeterdi. [27] Abşalomyň üç ogly bilen Ta-
mar atly bir gyzy bardy. Tamar juda
görmegeý boý gyzdy.

[28] Abşalom Iýerusalimde iki ýyl ýaşady,
ýöne şu döwrüň içinde ol ýeke gezegem
patyşanyň gözüne görünmedi. [29] Ahyrso-
ňy Abşalom patyşanyň ýanyna ibermek
üçin, Ýowaby öz ýanyna çagyrdy. Em-
ma Ýowap gelmedi. Ol ikinji ýola onuň
yzyndan adam iberdi, ýöne Ýowap bu
gezek hem gelmedi. [30] Şondan soň Ab-
şalom hyzmatkärlerine: «Ine, Ýowabyň
ekin meýdany meniňki bilen ýanaşyk;
onuň ol ýerde arpasy bar. Gidiň-de, şony
otlaň» diýdi. Hyzmatkärler gidip, onuň
ekin meýdanyny otladylar. [31] Ýowap Ab-
şalomyň öýüne baryp, oňa: «Näme üçin
hyzmatkärleriň meniň ekin meýdanymy
otlapdyrlar?» diýdi. [32] Abşalom oňa şeý-
le jogap berdi: «Gelsin diýip, yzyňdan
adam iberdim. „Meni Geşurdan näme
üçin getirdiň? Ol ýerden gaýtmadyk
bolsam, mundan gowy bolardy“ diýip
aýtdyrmak üçin, seni patyşanyň ýany-
na iberjekdim. Men häzir patyşanyň
ýanyna gideýin. Eger günäkär hasap-
lasa, onda, goý, ol meni öldüräýsin!»
[33] Şondan soň Ýowap patyşanyň ýanyna
gidip, Abşalomyň sözlerini oňa ýetirdi.
Patyşa Abşalomy çagyrdy. Ol patyşanyň
huzuryna gelip, ýere ýüzin düşüp, oňa
tagzym etdi. Patyşa Abşalomy ogşady.

## 15-nji bap

### *Abşalom gozgalaň turuzýar*

[1] Şondan soň Abşalom bir söweş araba-
syny, atlary hem-de öz öňünden ýörär ýaly
elli adam taýýarlady. [2] Abşalom daň bilen
turup, galanyň derwezesiniň golaýynda
durardy. Eger kimdir biri haýsydyr bir
dawany çözmek üçin, patyşanyň huzu-
ryna barmak islese, Abşalom ony ýanyna
çagyryp: «Haýsy galadan bolarsyň?» di-
ýip sorardy. Gelen: «Guluň Ysraýylyň
pylan tiresinden» diýerdi. [3] Abşalom:
«Sen mamla, aýdýanyň hak, ýöne şanyň
ýanynda seni diňläre adam ýok» diýip
jogap bererdi. [4] Ol: «Ýurda diňe özüm ser-
dar bolsadym! Men dawaly mesele bilen
ýa-da başga bir iş bilen ýanyma gelenle-
riň ählisiniň işine adalatly serederdim»
diýerdi. [5] Şeýle hem kimdir biri oňa tag-
zym etmek üçin golaýlaşmak islese, elini
uzadyp ony bagryna basardy-da, ogşardy.
[6] Abşalom şanyň ýanyna arz-şikaýat bilen
gelen her bir ysraýylly bilen şeýle ederdi.
Şeýdip, ol ysraýyl halkyna özüni aldyrdy.
[7] Dört ýyldan [b] soň Abşalom Dawut
patyşa: «Rugsat berseň, Hebrona gidip,

[a] **14:26** ***Bäş ýüz mysgal*** – ýewreýçe *iki ýüz şekel*. Bu takm. 2 kg deňdir.
[b] **15:7** ***Dört*** – käbir golýazmalarda *kyrk*.

Rebbe eden kasamymy ýerine ýetireýin.
8 Men guluň Siriýa ýurdunyň Geşur ga-
lasynda ýaşaýarkam, „Eger Reb meni
Iýerusalime gaýtaryp eltse, men Oňa
Hebronda sežde ederin“ diýip kasam
edipdim» diýdi. 9 Patyşa oňa: «Arka-
ýyn gidiber» diýdi. Şeýdip, ol Hebrona
gitdi. 10 Emma ol: «Şahdan edilen sur-
naý sesini eşiden badyňyza: „Abşalom
Hebronda patyşa boldy!“ diýip yglan
edersiňiz» diýen habar bilen Ysraýylyň
ähli tireleriniň arasyna gizlin çaparlar
ýollady. 11 Iýerusalimden çagyrylan iki
ýüz adam hem Abşalom bilen bile gitdi.
Olar bolan işlerden bihabar bolansoň, ak
göwün bilen Abşalomyň yzyna düşdüler.
12 Abşalom gurbanlyk berende, adam
iberip, Dawudyň geňeşçisi giloly Ahyto-
peli çagyryp getirtdi. Güýçli dildüwşük
boldy. Abşalomyň daşyna üýşýänleriň
sany barha artýardy.

### *Dawut Iýerusalimden gaçýar*

13 Bir çapar gelip: «Ysraýyllaryň ýüregi
Abşaloma baglanypdyr» diýip, Dawuda
habar berdi. 14 Dawut Iýerusalimde özi
bilen bile bolan ähli adamlaryna: «Hany,
boluň, gaçalyň! Ýogsam, bize Abşalom-
dan gutulma ýokdur. Howlukmasak, ol
yzymyzdan ýetip, bizi tutar, başymyza
bela getirer we galadakylary gylyçdan
geçirer» diýdi. 15 Patyşanyň adamlary
oňa: «Şa hezretleri näme islese, siziň
gullaryňyz şoňa razy» diýdiler. 16 Şeýdip,
patyşa tutuş maşgalasyny yzyna tirkäp,
ýola çykdy. Ol on gyrnak aýalyny öýe
seretmek üçin goýup gitdi. 17 Patyşa
ähli adamlaryny alyp, ýola düşdi. Olar
galanyň çetinde saklandylar. 18 Şanyň
ähli adamlary onuň öňünden geçdiler.
Ähli keretler, peletler hem-de Gat ga-
lasyndan şanyň yzyna düşüp gaýdan
alty ýüz adam onuň öňünden geçdiler.
19 Patyşa gatly Ytaýa şeýle diýdi: «Sen
näme üçin bizden galman gelýärsiň?
Yzyňa gaýt-da, täze patyşa bilen bo-
luber. Sebäbi sen ýurdundan kowlan
gelmişeksiň. 20 Seniň geleniň düýn dälmi,
bu günem men seni özümiz bilen bile
sergezdan edeýinmi? Onsoňam nirä
barýanymy özümem bilemok. Sen gaýt,
ildeşleriňi-de özüň bilen äkit. Reb size
merhemet etsin hem wepalylyk gör-
kezsin». 21 Emma Ytaý Dawut patyşa:
«Rebden hem-de şa hezretlerinden ant
içýärin; ha ölüm bolsun, ha ömür – parhy
ýok, şa hezretleri nirede bolsa, guluňyz
hem şol ýerde bolar» diýdi. 22 Dawut
Ytaýa: «Bolýar, bar geç» diýdi. Ytaý
ýanyndaky ähli adamlarydyr bala-ça-
galary bilen bilelikde geçdi. 23 Dawudyň
adamlary geçip barýarka, tutuş ýurt
nala çekip aglady. Patyşa tutuş goşuny
bilen Kidron deresinden geçip, çöle ta-
rap ýola düşdi.
24 Abýatar belende çykyp durdy, Sa-
dok hem ähli lewiler bilen Hudaýyň
Äht sandygyny göterip alyp barýardy.
Adamlaryň bary galadan çykyp bol-
ýança, olar Hudaýyň sandygyny ýerde
goýdular. 25 Patyşa Sadoga şeýle diýdi:
«Hudaýyň sandygyny yzyna gala äkit.
Eger men Rebbiň nazarynda merhemet
tapan bolsam, Ol meni ýene-de yzyma
gaýtaryp getirer; sandygy hem onuň dur-
ýan ýerini görmek maňa ýene miýesser
eder. 26 Emma Reb: „Men senden razy
däl“ diýäýse, onda, ine, men; islänini
edäýsin». 27 Patyşa Sadok ruhana şeý-
le diýdi: «Sen öňden görüjisiň! Ogluň
Ahymagasy hem-de Abýataryň ogly
Ýonatany ýanyňa al-da, Abýatar bilen
bile sag-salamat gala gaýt. 28 Sizden bir
habar alýançam, çölde – derýanyň saý
ýerinde garaşaryn». 29 Şeýdip, Sadok bi-
len Abýatar Hudaýyň sandygyny göterip,

yzyna Iýerusalime äkitdiler we özleri
hem şol ýerde galdylar.
30 Dawut aglap-eňräp Zeýtun dagyna
çykdy. Başynda örtügi bardy, aýaklary
ýalaňaçdy. Onuň ýanyndakylaryň-da
ähliisiniň başlary örtülgidi, gidip baryş-
laryna olaram aglaýardylar. 31 «Ahytopel
Abşalomyň ýanynda – dildüwşüge gatna-
şanlaryň arasynda» diýip, Dawuda habar
berdiler. Dawut: «Ýa Reb, Ahytopeliň
maslahatlaryny puja çykarmagyňy di-
leýärin» diýdi.
32 Dawut Hudaýa sežde edilýän be-
lentligiň üstüne çykanda, onuň bilen
duşuşmak üçin ark urugyndan ýakasyny
ýyrtyp, başyndan gum sowran Huşaý
diýen adam geldi. 33 Dawut oňa şeýle
diýdi: «Eger meniň bilen bile gitseň,
maňa ýük bolarsyň. 34 Sen gowusy gala
git-de, Abşalomyň ýanyna baryp, kaka-
syna hyzmat edişiň ýaly, oňa-da hyzmat
etjekdigiňi aýt. Şeýtseň, Ahytopeliň
men babatdaky maslahatyny puja çy-
karyp bilersiň. 35 Ruhanylar Sadok bilen
Abýatar hem şol ýerde seniň ýanyňda
bolarlar. Şa köşgünden eşidenleriňi şola-
ra aýdarsyň. 36 Sadogyň ogly Ahymagas
bilen Abýataryň ogly Ýonatan hem şol
ýerdedir. Şolaryň üsti bilen alan mag-
lumatlaryňy maňa ýetirersiň».
37 Şeýdip, Dawudyň dosty Huşaý Iýe-
rusalime geldi. Şol wagt Abşalom gala
girip barýardy.

## 16-njy bap

### *Dawut bilen Siba*

1 Dawut belentlikden biraz daşlaşanda,
Mepiboşediň hyzmatkäri Siba goşa eşek-
lere iki ýüz çörek, ýüz goşawuç kişmiş,
ýüz goşawuç injir we bir meşik şerap
ýükläp, Dawudyň öňünden çykdy. 2 Da-
wut patyşa oňa: «Bu zatlary näme üçin
getirdiň?» diýdi. Siba: «Eşekler-ä patyşa-
nyň maşgalasyna ulag bolar, çöreklerdir
ir-iýmişler ýigitlere iýmit bolar, şeraby
bolsa çöldäki argyn adamlar içerler»
diýip jogap berdi. 3 Dawut: «Jenabyňyň
agtygy nirede?» diýip sorady. Siba: «Ol
Iýerusalimde. Ol: „Ysraýyl halky şu
gün atamyň şalygyny maňa gaýtaryp
bermeli“ diýýär» diýdi. 4 Dawut patyşa:
«Mepiboşediň ähli zady indi seniňki»
diýdi. Siba: «Saňa tagzym! Özüňiz mer-
hemet ediň, eý, şa hezretleri!» diýdi.

### *Şimgi Dawudy näletleýär*

5 Dawut patyşa Bahuryma gelende, Şa-
wulyň baryndaşlaryndan Geranyň ogly
Şimgi diýen adam ol ýerden çykdy. Ol
gidip barşyna Dawuda sögünýärdi. 6 Şimgi
Dawutdyr onuň nökerlerini daşlady. Äh-
li esgerleri hem patyşanyň janpenalary
Dawudyň sagynda hem solunda durdular.
7 Şimgi: «Güm bol! Güm bol! Ganhor, deý-
ýus! 8 Ýerine şa bolan adamyň Şawulyň
baryndaşlarynyň tutuş ganyny Reb senden
aldy. Ol şalygy ogluň Abşaloma berdi.
Görýäňmi, öz pisligiňiň pidasy bolduň,
sebäbi sen ganhor» diýip garganýardy.
9 Seruýanyň ogly Abyşaý patyşa garap:
«Bu itiň maslygy näme üçin şa hezretle-
rine gargap dur? Ygtyýar beriň, kellesini
alaýyn» diýdi. 10 Patyşa bolsa: «Seruýanyň
ogullary, bu siziň işiňiz däl, ol gargaýan
bolsa, diýmek, Reb oňa „Dawuda garga“
diýendir. Şeýle bolsa, onuň edenine däl
diýip biljek barmy?» diýdi. 11 Soňra Dawut
Abyşaýa hem-de ähli adamlaryna: «Öz
bilimden önen oglum kastyma çykan-
soň, bu benýaminden näme gowulyga
garaşýaňyz?! Goý, gargasa gargabersin,
oňa degmäň, sebäbi bu Rebbiň emridir.
12 Belki, Reb çekýän ezýetimi görüp, şu
günki gargyşyň ýerine maňa bähbitlisini
eder» diýdi. 13 Şeýdip, Dawut adamlary

bilen öz ugruna gitdi. Baýryň etegi bilen,
Dawudyň deňinden barýan Şimgi oňa
gargaýardy, ony daşlaýardy, kesekleýärdi.
14 Patyşa bilen onuň ýanyndaky ýadap
surnugan goşun Iordan derýasyna gelip,
ol ýerde dynç aldylar.
15 Abşalom bilen tutuş ysraýyl halky
Iýerusalime geldiler; Ahytopel hem ola-
ryň ýanyndady. 16 Dawudyň dosty ark
urugyndan bolan Huşaý Abşalomyň
ýanyna baryp: «Patyşanyň ömri uzak bol-
sun! Patyşanyň ömri uzak bolsun!» diýdi.
17 Abşalom oňa: «Dostuňa wepalylygyň
şumy seniň? Näme üçin dostuň bilen git-
mediň?» diýdi. 18 Huşaý: «Ýok, Rebbiň we
şu adamlaryň, hem-de tutuş Ysraýylyň
saýlan adamynyň tarapynda boljak, şonuň
ýanynda galjak. 19 Üstesine-de, men kime
hyzmat etmeli? Onuň ogluna dälmi? Ka-
kaňa nähili hyzmat eden bolsam, saňa-da
şonuň ýaly hyzmat ederin» diýdi.
20 Abşalom Ahytopele ýüzlenip: «Hany,
maslahat beriň, biz näme etmeli?» diýdi.
21 Ahytopel: «Kakaňyň öýe seretmek
üçin goýup giden gyrnak aýallary bi-
len ýat. Şeýtseň, özüňi kakaňa duşman
edendigiňi tutuş Ysraýyl eşider we seniň
tarapyňdakylaryň goluna kuwwat berer»
diýdi. 22 Şeýlelikde, üçegiň ýokarsynda
Abşalom üçin çadyr gurdular. Abşalom
bütin Ysraýylyň gözüniň alnynda ka-
kasynyň gyrnak aýallarynyň ýanyna
girdi. 23 Şol döwürde Ahytopeliň berýän
maslahaty Hudaýdan soralan maslahat
hasap edilerdi. Ahytopeliň ähli mas-
lahaty Dawut bilen Abşalomyň ikisi
üçinem şeýledi.

## 17-nji bap

### *Huşaý Abşalomy aldawa salýar*

1 Ahytopel Abşaloma şeýle diýdi: «Yg-
tyýar et, on iki müň adamy saýlaýyn-da,
şu gije Dawudyň yzyndan kowalaýyn.
2 Ýadap gurbatdan düşen wagty men
onuň üstüne çozup, ony howsala sala-
ýyn. Ýanyndaky ähli goşun gaçar, men
diňe patyşanyň özüni öldürerin. 3 Ýaş
gelniň öz adamsynyň öýüne gelşi ýaly,
ähli halkyň saňa tarap öwrülmegi üçin,
seniň şol ideýän adamyň öldürilmegi
wajypdyr. Şonda bütin halk parahatçy-
lykda bolar». 4 Maslahat Abşaloma-da,
Ysraýylyň ähli ýaşulularyna-da ýarady.
5 Abşalom: «Ark urugyndan bolan
Huşaýy-da çagyr, onam diňläli, näme
diýýär» diýdi. 6 Huşaý gelende, Abşalom
oňa: «Ahytopeliň maslahat-a, ine, şeýle.
Şonuň diýeni bilen bolubermelimi ýa
özüň bir maslahat berýäňmi?» diýdi.
7 Huşaý: «Ahytopeliň bu gezekki beren
maslahaty gowy maslahat däl» diýip,
8 sözüni dowam etdi: «Kakaňyň hem-de
onuň adamlarynyň batyr ýigitlerdigini
bilýänsiň. Olar sährada çagasyny elin-
den aldyran aýy ýaly ýowuz boldular.
Üstesine-de, ataň tejribeli urşujydyr.
Ol gijäni goşunyň arasynda geçirmez.
9 Häzir ol bir gowakda ýa-da başga bir
ýerde gizlenendir. Ilkinji hüjümde bi-
ziňkilerden öleni bolaýsa, onda ony
eşidenler: „Abşalomyň yzyna düşenler
gyrlypdyr“ diýerler. 10 Şonda arslan ýü-
rek gaýduwsyz batyram gorkudan ýaňa
pagyş-para erär, sebäbi kakaňyň batyr
ýigitdigini, onuň ýanyndakylaryň-da
gaýduwsyzdygyny tutuş Ysraýyl bilýär.
11 Şoňa görä meniň maslahatym şeýle:
Dandan Beýerşeba çenli ähli ysraýyllar
deňiz kenarynyň çägeleriçe köplük-
de seniň ýanyňa toplansyn. Söweşde
olara özüň baştutanlyk et. 12 Biz ony
nirede bolsa-da tapyp, ýere çyg düşüşi
ýaly bolup, onuň üstüne dökülmelidiris.
Şonda onuň ne özi aman galar, ne-de
ýanyndakylar. 13 Eger-de ol gala tarap

çekiläýse, onda ähli ysraýyllar ýüp ge-
tirerler we ol ýeriň iň soňky çaglyna
çenli, galany jülgä çekeris». 14 Abşalom
bilen ähli ysraýyllar: «Ark urugyndan
bolan Huşaýyň maslahaty Ahytopeliň
maslahatyndan gowy» diýdiler. Sebäbi
Reb Abşalomy heläkçilige duçar etmek
üçin, Ahytopeliň oňat maslahatyny puja
çykarmak kararyna gelipdi.

### *Huşaý Dawudy habardar edýär*

15 Huşaý ruhanylar Sadok bilen Ab-
ýatara şeýle diýdi: «Abşaloma hem-de
ysraýyl ýaşulularyna Ahytopel şeýle
maslahat berdi, men hem beýle masla-
hat berdim. 16 Indi haýal etmän, adam
iberiň-de, Dawuda şu habary ýetiriň:
„Şu gije çölde – derýanyň saý ýerinde
galman, aňry tarapa geçmese, patyşanyň
özi-de, ýanyndaky tutuş goşun-da heläk
bolar“». 17 Göze ilmezlik üçin gala girip
bilmeýändiklerine görä, Ýonatan bilen
Ahymagas Eýnrogelde garaşýardylar.
Bir gyrnak gelip, olara habar berýärdi,
olar bolsa gidip, Dawuda aýdýardylar.
18 Emma bir gezek bir ýetginjek olary
görüp, Abşaloma habar berdi. Ýona-
tan bilen Ahymagas haýal etmän gidip,
Bahurymda biriniň öýüne bardylar. Şol
adamyň howlusynda bir guýusy bardy;
olar şol guýynyň içine girdiler. 19 Hoja-
ýynyň aýaly guýynyň agzyny örtgi bilen
örtdi-de, üstüne däne serdi; ol ýerde hiç
zat bilner ýaly bolmady. 20 Abşalomyň
adamlary ol aýalyň öýüne gelip, ondan
Ahymagas bilen Ýonatanyň nirededigi-
ni soradylar. Aýal olara: «Olar arykdan
geçdiler» diýip jogap berdi. Gözleýänler
ol ikisini gözläp tapmandan soň, Iýeru-
salime dolandylar. 21 Ýaňkylar gidenden
soň, ol ikisi guýudan çykyp gitdiler-de,
Dawut patyşany habardar etdiler. Olar
Ahytopeliň Dawudyň garşysyna eden
maslahatyny aýdyp, Dawuda: «Bol, ba-
symrak, suwdan geçip, ötägit» diýdiler.
22 Şondan soň Dawut bilen onuň ýanyn-
daky goşun Iordan derýasyndan geçdiler.
Daň saz berýänçä, olar derýadan doly
geçip gutardylar.
23 Öz maslahatynyň ýer tutmandygyny
gören Ahytopel eşegini gaňňalady-da, öz
galasyna, öýüne gitdi. Baryp, maşgalasy-
na wesýet edenden soň bolsa özüni asdy.
Ony kakasynyň gubry goýlan gümmezde
jaýladylar. 24 Abşalom Ysraýylyň ähli
adamlaryny ýanyna alyp, Iordan derýa-
syndan geçende, Dawut Mahanaýyma
barypdy. 25 Abşalom Emasany Ýowabyň
ýerine goşunbaşy edip goýdy. Emasa
Ýytra diýen bir ysraýylyň ogludy. Ýytra
Ýowabyň ejesi, Seruýanyň aýal dogany,
Nahaşyň gyzy Abygaýyla öýlenipdi.
26 Ysraýyllar bilen Abşalom Gilgatda
düşlediler. 27 Dawut Mahanaýyma ba-
randa, ammonlaryň Raba galasyndan
Nahaşyň ogly Şoby, lodebarly Emiýeliň
ogly Makyr, Rogelimden gilgatly Barzyl-
laý dagy 28 Dawut bilen onuň ýanyndaky
adamlaryna ýorgan-düşek, gap-çanak,
toýun gaplar, huruşlyk üçin bugdaý, arpa,
un, gowurga, noýba, mäş, 29 bal, süzme,
goýun etini, sygyr süýdünden edilen
peýnir getirdiler. Sebäbi olar goşunyň
çölde aç-suwsuz hem ýadawdygyny
aýdypdylar.

## 18-nji bap

### *Abşalomyň ölümi*

1 Dawut ýanyndaky adamlary toplap,
olary gözden geçirdi, olara ýüzbaşy-
lardyr müňbaşylar belledi. 2 Ol goşuny
üç topara böldi: bir topara Ýowap, bir
topara Seruýanyň ogly, Ýowabyň dogany
Abyşaý, üçünji topara bolsa gatly Ytaý
baştutanlyk edýärdi. Patyşa özüniň hem

olaryň ýanlarynda boljakdygyny olara
aýtdy. 3Emma halk oňa: «Ýok, sen gitme,
sebäbi eger biz gaçaýsak, olar bize ähmi-
ýet bermezler. Ýarymyz gyrlaýanda-da,
olar bize üns berip durmazlar. Sen biziň
on müňümize barabarsyň, bize galadan
kömek etseň, has gowy bolar» diýdi.
4Patyşa olara: «Siz nämäni isleseňiz,
şony ederin» diýdi. Patyşa derwezäniň
ýanynda durdy; tutuş goşun ýüz-ýüzden,
müň-müňden düzülip, galadan çykdy.
5«Meniň hatyrama ýaş ýigit Abşalomy
gorap saklaň» diýip, patyşa Ýowaba,
Abyşaýa hem-de Ytaýa buýruk berdi.
Abşalom barada şanyň baştutanlaryna
beren bu buýrugyny bütin goşun eşitdi.

6Goşun Ysraýyl bilen uruşmak üçin
meýdana çykdy. Söweş Efraýym to-
kaýynda boldy. 7Ysraýyllar Dawudyň
adamlaryndan ýeňildiler. Şol gün uly
gyrgynçylyk bolup, ýigrimi müň adam
gyryldy. 8Söweş ýurduň ähli ýerini gur-
şap aldy. Ol gün tokaý sebäpli ölenler
gylyçdan ölenlerden köp boldy.

9Abşalom Dawudyň adamlaryna
duýdansyz sataşdy. Ol gatyr münüp
gelýärdi. Gatyr uly bir dub agajynyň
aşagyndan geçende, Abşalomyň kellesi
agajyň şahalaryna ilişdi. Ol ýer bilen
gögüň arasynda asylyp galdy, gatyr
onuň aşagyndan sypyp gitdi. 10Bir adam
ony görüp: «Abşalom dub agajyndan
asylyp galypdyr» diýip, Ýowaba habar
berdi. 11Ýowap oňa: «Gören bolsaň, nä-
me üçin ony şol ýeriň özünde urup ýere
ýazmadyň? Meniň özüm saňa on kümüş
teňňe bilen bir kemer bererdim» diýdi.
12Emma ol adam Ýowaba şeýle diýdi:
«Müň kümüş berselerem, patyşanyň
ogluna el galdyrmazdym, sebäbi patyşa:
„Meniň hatyrama ýaş ýigit Abşalomy
goraň“ diýip, saňa, Abyşaýa hem-de
Ytaýa buýruk berendigini öz gulagymyz
bilen eşitdik. 13Ikinji bir tarapdan, eger
men haýynlyk edip, ony öldüren bolsam,
(patyşadan ýaşyryn galjak zat barmy?),
onda seniň özüňem meni ýazgarardyň».
14Ýowap: «Men seniň bilen beýdip, wagt
ýitirip durup bilmerin» diýdi-de, üç
sany naýza alyp, heniz dubda sallanyp
duran diri Abşalomyň ýüreginden ge-
çirdi. 15Ýowabyň ýaragyny göterýän on
nökeri Abşalomy ara alyp, urup öldürdi.

16Ýowap adamlaryny söweşden sakla-
mak üçin, şahdan edilen surnaý çaldyrdy.
Onuň adamlary ysraýyllary kowalamak-
laryny bes edip gaýdyp geldiler. 17Soňra
Abşalomyň jesedini alyp, tokaýdaky çuň
garyma taşladylar we üstüne ullakan
edip, daş üýşürdiler. Ysraýyllaryň äh-
lisi dargaşyp, öýli-öýüne gaçyp gitdiler.
18Abşalom: «Meniň adymy ýatladar ýaly
yzymda galjak oglum ýok» diýip, heniz
dirikä, Patyşa jülgesinde özi üçin bir
sütün dikipdi we oňa öz adyny dakypdy.
(Oňa häzir hem Abşalomyň ýadygärligi
diýilýär.)

### *Dawut Abşalomyň ölendigini eşidýär*

19Sadogyň ogly Ahymagas: «Ylgaýyn-
da, Rebbiň patyşany duşmanlarynyň
elinden halas edendigini oňa buşlaýyn»
diýdi. 20Ýowap oňa: «Bu gün buşlamak
gerek däl. Buşluk habary bu gün däl-de,
başga bir gün äkidersiň, sebäbi şanyň
ogly öldi» diýdi. 21Ýowap efiopiýaly
bir adama: «Bar, näme gören bolsaň,
patyşa habar ber» diýdi. Efiopiýaly oňa
tagzym etdi-de, ylgady. 22Sadogyň ogly
Ahymagas ýene Ýowaba: «Näme bol-
sa, şol bolsun, efiopiýalynyň yzyndan
menem ylgaýyn» diýdi. Ýowap: «Sen
näme üçin onuň yzyndan ylgajak, og-
lum?! Saňa buşlara zat ýog-a» diýdi.
23Ol ýene: «Her niçigem bolsa, menem
ylgaýyn» diýdi. Ýowap: «Bolýar, bar

ylga!» diýdi. Ahymagas düzlük bilen
ylgap, efiopiýalydan ozup geçdi.
24 Dawut şäher derwezesiniň içki hem
daşky gapylarynyň arasynda otyrdy. Şol
wagt gözegçi derwezehananyň ýokar-
syna, diwara çykyp seretdi we kimdir
biriniň ylgap gelýändigini gördi. 25 Gö-
zegçi gygyryp, muny patyşa habar berdi.
Patyşa: «Eger ol ýeke bolsa, buşluk ge-
tirýändir» diýdi. Ol barha golaýlaşýardy.
26 Soňra gözegçi ýene bir adamyň ylgap
gelýändigini gördi. Ol: «Seret, ýene bir
adam ylgap gelýär!» diýip, derweze-
bana gygyrdy. Patyşa: «Ol-da buşluk
getirýändir» diýdi. 27 Gözegçi: «Öňden
gelýäniň ylgaýşy Sadogyň ogly Ahy-
magasyň ylgaýşyna çalym edýär» diýdi.
Patyşa: «Ol gowy adam, gowy habar
bilen gelýändir» diýdi. 28 Ahymagas
patyşa: «Sag-salamatlyk!» diýip gygyr-
dy. Soňra ol ýere ýüzin düşüp, patyşa
tagzym edip: «Hudaýyň Rebbe alkyş
bolsun, Ol şa hezretlerine el galdyra-
nyň almytyny berdi» diýdi. 29 Patyşa:
«Ýaş ýigit – Abşalom sag-salamatmy?»
diýdi. Ahymagas: «Ýowap guluňy ibe-
rende, bir galmagal-a bardy, ýöne onuň
nämedigini bilmedim» diýdi. 30 Patyşa:
«Bir gyra çekil-de, şol ýerde dur» diýdi.
Ol bir gyra çekilip durdy.
31 Soňra efiopiýaly geldi. Ol: «Şa hez-
retleri, buşluk! Garşyňa çykanlaryň
hemmesiniň elinden Reb seni halas etdi»
diýdi. 32 Patyşa oňa: «Ýigdekçe – Abşa-
lom sag-salamatmy?» diýdi. Efiopiýaly:
«Şa hezretleriniň duşmanlarynyň oňa
zyýan ýetirmek üçin, garşysyna çykan-
laryň ählisiniň başyna şol ýigidiň güni
gelsin» diýdi. 33 Patyşa sandyr-sandyr
edip, derwezäniň üstündäki otaga çy-
kyp aglady. Ol gelýärkä: «Wah, oglum,
Abşalom! Jan oglum! Eý, jan oglum,
Abşalom! Seniň ýeriňe men ölen bolsam
bolmaýarmy, wah, jan oglum, jan og-
lum!» diýip aglaýardy.

## 19-njy bap

### *Ýowap Dawuda käýeýär*

1 «Patyşa Abşalom üçin aglap, onuň
ýasyny tutýar» diýip, Ýowaba habar
berdiler. 2 Ol günki ýeňiş tutuş goşun
üçin ýasa öwrüldi. Sebäbi şol gün goşun
patyşanyň öz ogly üçin hasrat çekýändi-
gini eşitdi. 3 Şol gün Dawudyň esgerleri
edil uruşdan gaçan ýaly bolşup, utanşyp
ýuwaşlyk bilen gala girdiler. 4 Patyşa ýü-
züni aşak salyp: «Wah, oglum, Abşalom!
Jan oglum, jan oglum, Abşalom!» diýip,
gaty sesi bilen möňňürip aglaýardy. 5 Ýo-
wap patyşanyň öýüne gelip, oňa şeýle
diýdi: «Sen bu gün özüňiň, ogul-gyz-
laryňyň, aýallaryňdyr gyrnaklaryňyň
janyny halas eden esgerleriňiň ýüzüni
ýere saldyň. 6 Sebäbi özüňi ýigrenýänleri
söýüp, özüňi söýýänleri ýigrendiň. Sen
goşunbaşylaryňdyr esgerleriňiň özüň
üçin hiç kimdigini bu gün ap-aýdyň
etdiň. Eger-de Abşalom diri galyp, biziň
ählimiz ölen bolsak, onda seniň şatlan-
jak ekendigiňe men anyk göz ýetirdim.
7 Indi bar-da, öz adamlaryň bilen myla-
katly gepleş, Rebden ant içýärin, eger
gitmeseň, şu gije ýanyňda bir adamam
galmaz. Bu bolsa seniň üçin ýaşlygyňdan
tä häzire çenli gören ýamanlyklaryňyň
baryndan beter bolar». 8 Patyşa turdy-da,
derwezäniň agzyna baryp oturdy. Muny
tutuş goşuna habar berdiler. Ähli goşun
patyşanyň huzuryna geldi.

### *Dawut Iýerusalime dolanýar*

Şol wagt ysraýyllaryň ählisi öz öýle-
rine gaçyp gitdiler. 9 Ysraýyl tireleriniň
ählisi: «Dawut bizi duşmanlarymyzyň
elinden we piliştlilerden halas etdi. Ol

Abşalom zerarly ýurtdan gaçdy. 10Ba-
şyna ýag guýup, özümize patyşa goýan
Abşalomymyz-a uruşda öldi. Indi pa-
tyşany yzyna getirmek barada näme
üçin dil ýarmaýarsyňyz?» diýip, özara
jedelleşýärdiler.

11Dawut patyşa Ýahudanyň ýaşulula-
ryna aýtmak üçin, Sadok bilen Abýatar
ruhanydan şeýle habar iberdi: «Patyşany
öýüne gaýtaryp getirmekde, soňa galasy-
ňyz gelýärmi? Tutuş Ysraýylyň aýdanlary
patyşa ýetdi. 12Siz meniň garyndaşlarym,
siz meniň öz süýegimden we tenimdensi-
ňiz. Şonda-da patyşany öýüne gaýtaryp
getirmekde, soňa galasyňyz gelýärmi?»
13Emasa bolsa şu sözlerimi aýdyň: «Sen
meniň öz süýegimden we tenimden dälmi
näme? Eger şu pursatdan başlap, Ýowa-
byň ýerine meniň goşunbaşym bolmasaň,
goý, Hudaý maňa-da şony, hatda ondan
beterini görkezsin». 14Şeýlelikde, Dawut
bir adam ýaly edip, ýahudalaryň ählisi-
niň köňlüni özüne baglady. Olar: «Ähli
adamlaryňam al-da, gel» diýip, patyşa
habar ýolladylar.

15Şeýdip, patyşa yzyna, Iordana do-
lanyp geldi. Ýahudalar ony garşylamak
hem-de Iordan derýasyndan geçirmek
üçin Gilgala geldiler.

16Bahurymdan benýaminli Geranyň
ogly Şimgi, Dawut patyşany garşyla-
mak üçin, ýahudalar bilen howlugyşyp
eňip gelýärdiler. 17Onuň ýanynda ben-
ýaminden müň adam bardy. Şawulyň
maşgalasynyň hyzmatkäri Siba on bäş
ogluny hem-de ýigrimi hyzmatkärini
ýanyna alyp, patyşanyň öňünden Iordan
derýasyndan geçdi. 18Olar patyşanyň
öý-içerisini geçirmek üçin we onuň hu-
zurynda islän zadyny berjaý etmek üçin,
derýanyň saý ýerinden geçdiler.

Patyşa Iordan derýasyndan geçen ba-
dyna, Geranyň ogly Şimgi onuň öňünde
tagzym edip, 19şeýle diýdi: «Jenabym,
meni günäli hasaplamaň we şa hezret-
leriniň Iýerusalimden çykan güni öz
guluňyzyň eden ýamanlygyny ýatlamaň,
ony göwnüňize almaň. 20Sebäbi men
guluňyz özümiň günäkärdigimi bilýärin.
Şoňa görä-de, men şu gün Ýusubyň nesil-
lerinden ilkinji bolup, siz şa hezretlerini
garşylamaga geldim». 21Seruýanyň ogly
Abyşaý: «Näme üçin Şimgi öldürilmeli
däl, ol Rebbiň seçip-saýlanyna gargady
ahyryn» diýdi. 22Emma Dawut şeý-
le diýdi: «Eý, Seruýanyň ogullary, bu
günki gün meniň bilen duşman bolar
ýaly, biziň aramyzda näme bar? Men
bu gün özümiň Ysraýylyň şasydygymy
bilmeýärinmi näme? Bu gün Ysraýylda
hiç kim öldürilmez». 23Patyşa ant içip,
Şimgä: «Sen ölmersiň» diýdi.

24Şawulyň agtygy Mepiboşet Dawu-
dy garşylamaga geldi. Patyşanyň giden
gününden tä ol sag-salamat dolanyp
gelýänçä, ol öz aýaklaryny-da, geýim-
lerini-de ýuwmandy, sakgalyny hem
bejermändi. 25Ol patyşany garşylamak
üçin Iýerusalimden gelende, patyşa oňa:
«Mepiboşet, sen näme üçin meniň bilen
gitmediň?» diýdi. 26Ol şeýle jogap berdi:
«Eý, şa hezretleri, meni hyzmatkärim
aldady. Men oňa: „Eşegi gaňňalaýyn-da,
oňa münüp, patyşa bilen gideýin“ diýdim,
sebäbi men guluň agsak. 27Emma ol siz
şa hezretleriniň ýanynda men guluňyza
töhmet atdy. Emma şa hezretleri meniň
üçin Hudaýyň perişdesi ýalydyr. Indi nä-
me ederin diýseňiz, ine, men. 28Kakamyň
ähli garyndaşlary şa hezretleriniň öňünde
öldürilmäge degişli bolup durka, men
guluňyzy öz saçagyňyzyň başyndaky-
laryň arasynda oturtdyňyz. Şondan soň
patyşa şikaýat etmäge näme hakym bar?»
29Patyşa oňa: «Öz ýagdaýlaryň hakynda
gürlemegiň hajaty ýok. Men saňa we Siba

ýeri paýlaşmagy buýruk berýärin» diýdi.
30 Mepiboşet patyşa: «Şa hezretleriniň
sag-salamat öýüne gelendigine görä, goý,
hemmesini ol alsyn» diýdi.

31 Gilgatly Barzyllaý Rogelim gala-
syndan geldi. Ol Iordan derýasyndan
patyşa bilen bile geçip, ony ugradyp
barýardy. 32 Ol juda garrydy – segsen
ýaşyndady. Patyşa Mahanaýymda bo-
landa, Barzyllaý ony iýmit bilen üpjün
edipdi, çünki ol juda gurply adamdy.
33 Patyşa Barzyllaýa: «Meniň bilen gi-
diber, Iýerusalimde iýip-içjegiňi özüm
alada ederin» diýdi. 34 Emma Barzyllaý
patyşa şeýle diýdi: «Patyşa bilen Iýeru-
salime gider ýaly, meniň ömrümiň ýene
näçe ýyly galdyka? 35 Häzir men segsen
ýaşymda, göwne ýakymly-ýakymsyz
zatlary saýgaryp bilemok. Men guluň öz
iýip-içýän zatlarymyň tagamyny-da bi-
lemok. Erkegu-aýal bagşylaryň seslerini
eşidip bilemok. Şeýle bolsa, näme üçin
men guluň şa hezretlerine ýük bolsun?!
36 Guluň bolan men patyşa bilen diňe bi-
raz ýol ýöräp, ony Iordan derýasyndan
geçirmek isleýärin. Patyşa näme üçin
meni beýle sylaglamaly? 37 Men guluň
yzyma gaýdyp, öz galamda, kakamyň,
ejemiň guburlarynyň golaýynda öleýin.
Ýöne, ine, şu ýerde guluň Kimham bar.
Şa hezretleri bilen, goý, ol gidäýsin.
Senem göwnüňe jaý bolan zady onuň
üçin et» diýdi. 38 Patyşa oňa: «Kimham
meniň bilen gider, men hem onuň üçin
seniň islän zadyňy ederin, hawa, ähli
islän zadyňy men seniň üçin ederin»
diýdi. 39 Tutuş goşun Iordan derýasyndan
geçdi, patyşa-da geçdi. Ol Barzyllaýy
ogşap, oňa pata berdi; Barzyllaý öz
öýüne gaýtdy. 40 Patyşa Gilgala tarap
ýola düşdi, Kimham hem onuň bilen
bile gitdi. Tutuş ýahuda halky we ysra-
ýyl halkynyň ýarysy patyşany ugratdy.

### *Ysraýylyň nägileligi we Şebanyň gozgalaňy*

41 Bütin Ysraýylyň halky patyşanyň
ýanyna gelip, oňa: «Näme üçin garyndaş-
larymyz ýahudalar sizi ogurladylar we
patyşany maşgalasy hem adamlary bilen
bile Iordan derýasyndan geçirdiler?»
diýdi. 42 Tutuş ýahudalar ysraýyllara:
«Sebäbi patyşa biziň ýakyn garynda-
şymyz. Näme üçin muňa gaharyňyz
gelýär? Biz, heý, patyşanyň hasabyna
bir zat iýdikmi ýa patyşa bize serpaý
ýapdymy?» diýdiler. 43 Emma ysraýyllar
ýahudalara: «Dawut patyşada paýymyz
siziňkiden köpdür, on paýymyz bar.
Şonda-da näme üçin bizi äsgermezlik et-
diňiz? Patyşany yzyna getirmekde ilkinji
söz biziňki bolmaly dälmi näme?» diýip
jogap berdiler. Emma ýahudalaryň sözi
ysraýyllaryňkydan gazaply bolup çykdy.

## 20-nji bap

1 Şol wagt benýamin tiresinden Bik-
riniň ogly Şeba diýen bir deýýus şol
ýerdedi. Ol şahdan edilen surnaý çalyp,
şeýle diýip gygyrdy: «Eý, ysraýyllar,
paýymyz ýok Dawutda! Paýymyz ýok
Ýyşaýyň oglunda! Öýli-öýüňize dargaň!»
2 Şeýdip, ähli ysraýyllar Dawutdan
aýrylyp, Bikri ogly Şebanyň yzyna düş-
düler. Ýöne ýahudalar özleriniň patyşasy
Dawuda ygrarly bolup, Iordan derýa-
syndan Iýerusalime çenli onuň bilen
bile boldular.
3 Dawut Iýerusalimdäki öýüne geldi.
Öýe seretmek üçin goýup giden on gyr-
nak aýallarynyň ählisini bir jaýa gabap,
olary gorag astyna aldy; olary zerur zatlar
bilen üpjün etdi, ýöne ýanlaryna girme-
di. Gyrnak aýallar şeýdip, tä ölýänçäler
dul ýaly ýaşadylar we gabawdan çyka-
rylmadylar. 4 Patyşa Emasa: «Üç günüň

dowamynda Ýahudanyň erkek göbek-
lilerini meniň ýanyma ýygna, özüňem
şu ýerde bol» diýdi. 5 Emasa ýahudalary
çagyrmaga gitdi. Ýöne gelmeli wagtynda
gelmän gijä galdy. 6 Dawut Abyşaýa: «In-
di Bikri ogly Şeba bize Abşalomdanam
köp zyýan berer. Öz jenabyňyň gullaryny
al-da, onuň yzyndan kow, ýogsam, ol
özüne berk galalar tapar-da, bizden sy-
par» diýdi. 7 Ýowabyň adamlary, keretler,
peletler we ähli batyr ýigitler Iýerusalim-
den çykyp, Bikri ogly Şebanyň yzyndan
kowmak üçin Abyşaýyň yzyna düşdüler.
8 Olar Gibgondaky ullakan daşyň ýanyna
baranlarynda, Emasa olary garşylamaga
çykdy. Ýowap harby geýimdedi, bilinde
kemere dakylan gynly gylyjy bardy. Ol
ýöräp gelýärkä, gylyjy gynyndan gaçdy.
9 Ýowap Emasa: «Doganym, sag-gurgun-
myň?» diýip, ogşamak üçin sag eli bilen
Emasanyň sakgalyndan tutdy. 10 Emasa
Ýowabyň elindäki gylyjyna üns bermedi.
Ýowap gylyjyny onuň garnyna sokup,
içgoşuny ýere silkdi, gylyjy gaýtadan
sokmaga zerurlyk galmady; Emasa öldi.
Soňra iki dogan Ýowap bilen Abyşaý
Bikri ogly Şebanyň yzyndan kowmaga
başladylar. 11 Ýowabyň adamlaryndan
biri Emasanyň jesediniň ýanynda durup:
«Kim Ýowabyň tarapdary bolsa, kim
Dawuda wepaly bolsa, Ýowabyň yzyna
eýersin» diýdi. 12 Emasa ýoluň ugrunda
gana bulaşyp ýatyrdy. Ýaňky adam jese-
diň ýanyna barýanlaryň onuň ýanynda
saklanýandyklaryny görüp, ony ýoldan
bir gyra çekdi-de, üstüne geýim ýapdy.
13 Emasanyň jesedi ýoldan aýrylandan
soň, goşun Bikri ogly Şebanyň yzyndan
kowmak üçin, Ýowabyň yzyna düşdi.

14 Goşun Abelbeýtmagaka galasyna
çenli tutuş demirgazyk tireleriniň içinden
geçdi. Demirgazyk tireleriniň halky jem-
lenip birleşdiler-de, gala tarap Ýowabyň
yzyna düşdi. 15 Olar baryp, Abelbeýt-
magaka galasynda ony gabawa saldylar.
Galanyň diwaryna çykmak üçin ýapgyt
gurdular we diwary ýykmak üçin ony
opurmaga başladylar. 16 Bir akylly aýal
galadan: «Gulak assaňyzlaň! Diňlese-
ňizläň! Ýowaba aýdyň, men onuň bilen
gepleşmek isleýärin» diýip gygyrdy.
17 Ýowap onuň ýanyna baranda, ol aýal:
«Sen Ýowapmy?» diýdi. Ol: «Hawa, men
Ýowap» diýip jogap berdi. Aýal: «Onda
öz gyrnagyňa gulak as» diýdi. Ýowap:
«Diňleýärin» diýdi. 18 Aýal şeýle diýdi:
«Öňler: „Abelde maslahat alsynlar“ diýip
aýdardylar, şeýdibem, işi tamamlardylar.
19 Biz Ysraýylyň parahat hem wepadar
adamlarydyrys. Ysraýyl galalarynyň
enesi bolup duran galany näme üçin
ýykmak isleýärsiň? Näme üçin Rebbiň
beren mirasyny ýok etmek isleýärsiň?»
20 Ýowap şeýle jogap berdi: «Ýok-la! Daş
edewersin! Hudaý saklasyn! Galany ýyk-
mak ýa-da ýok etmek meniň etjek işim
däl! 21 Bu beýle däl! Ýöne Efraýym dagly-
gyndan Bikri ogly Şeba diýen biri Dawut
patyşanyň garşysyna çykdy. Onuň ýeke
özüni elime ber, men galadan el çekeýin».
Aýal: «Onuň kellesi diwardan üstaşyry
saňa tarap zyňlar» diýdi. 22 Aýal akylly
pikiri bilen halkyň ýanyna gitdi. Olar
Bikri ogly Şebanyň kellesini kesip, ony
Ýowaba tarap zyňyp goýberdiler. Ýowap
surnaý çaldy; olar galadan çekildiler.
Hemmeler öýli-öýüne gitdi. Ýowap bolsa
Iýerusalime patyşanyň ýanyna gaýtdy.

23 Ýowap Ysraýylyň tutuş goşunyna
baştutan boldy. Ýehoýadanyň ogly Be-
naýa bolsa keretleriň hem-de peletleriň
baştutany boldy. 24 Adoram [a] gara zähmet

[a] **20:24** ***Adoram*** – käbir gadymy terjimelerde *Adonyram*. Seret: 1Pat 4:6.

bilen meşgul bolýanlaryň ýolbaşçysydy,
Ahyludyň ogly Ýehoşapat baş emel-
darydy. 25 Şewa – kätip, Sadok bilen
Abýatar – ruhanylar boldy. 26 Ýaýyrly
Yra hem Dawudyň ruhanysydy.

### 21-nji bap

***Şawulyň nesilleri öldürilýär***

1 Dawudyň döwründe üç ýyla çeken
açlyk boldy. Dawut Rebbe ýüzlendi. Reb
oňa: «Şawulyň gan dökmegi onuň özü-
niň we nesliniň boýnunadyr, sebäbi ol
gibgonlylary gyrgynçylyga berdi» diýdi.
2 Patyşa gibgonlylary çagyryp, olar bilen
gepleşdi. (Gibgonlylar ysraýyllardan
däldirler, olar amorlaryň galyndylarydy.
Ysraýyllar olara degmejekdiklerine ant
içipdiler, ýöne Ysraýyl bilen Ýahuda bo-
lan yhlasy sebäpli, Şawul olary ýok etjek
bolýardy.) 3 Dawut gibgonlylara: «Men
siziň üçin näme edeýin? Rebbiň saýlan
halkyna pata bermegiňiz üçin, bu günä-
den nädip saplanarkam?» diýdi. 4 Olar:
«Bize Şawuldan we onuň neslinden altyn
ýa kümüş almak ýeterlik däl. Ysraýyldan
kimdir birini biziň öldürmäge hakymyz
ýok» diýdiler. Dawut olara: «Siz näme
isleseňiz, şony-da etjek» diýdi. 5-6 Olar:
«Bizi tutuş Ysraýyldan çykarmak islän
we dyr-pytrak eden adamyň neslinden
bolan ýedi adamy biziň elimize ber. Biz
olary Reb tarapyndan saýlanan Şawulyň
Gibga galasynda Rebbiň huzurynda öl-
dürip, Günüň astynda serjek» diýdiler.
Patyşa olara: «Bolýar, men olary size
bereýin» diýdi. 7 Ýöne Dawut patyşa
özüniň Ýonatan bilen Rebbiň öňünde
äht edişendigi sebäpli onuň ogly Me-
piboşede rehim etdi. 8 Dawut Aýanyň
gyzy Rispanyň Şawula dogrup beren
iki ogluny: Armony bilen Mepiboşedi,
şeýle hem Şawulyň gyzy Merabyň [a]
meholaly Barzyllaýyň ogly Adryýele
dogrup beren bäş ogluny alyp, 9 olary
gibgonlylaryň eline berdi. Gibgonlylar
olary dagda Rebbiň huzurynda öldürip,
ýeriň ýüzüne serdiler, olaryň ýedisem
bilelikde öldi. Bu waka baharda, arpa
oragynyň ilkinji günlerinde bolupdy.

10 Aýanyň gyzy Rispa şol ýerdäki gaýa-
nyň ýüzünde bir köne haltany düşendi-de,
arpa oragynyň başyndan tä jesetleriň
üstüne ýagyş ýagyp başlaýança, ol ýerde
oturdy; ol jesetleri gündizine guşlardan,
gijesine wagşy haýwanlardan gorady.
11 Aýanyň gyzy, Şawulyň gyrnagy Rispa-
nyň bu eden işini Dawuda habar berdiler.
12 Dawut baryp, Şawul bilen onuň ogly
Ýonatanyň süňküni Gilgatdaky ýabeş-
lilerden aldy. Piliştliler olary Gilbogada
öldürip, Beýtşeýan meýdançasynda asyp-
dylar. Gilgatdaky ýabeşliler bolsa olary
Beýtşeýan meýdançasyndan ogurlap-
dylar. 13 Dawut Şawul bilen onuň ogly
Ýonatanyň süňklerini ol ýerden getirtdi.
Öldürilip, ýeriň ýüzüne serlenleriň hem
süňklerini topladylar. 14 Dawudyň adam-
lary Şawul bilen Ýonatanyň süňklerini
Benýamin topragynda – Selada, Şawulyň
kakasy Kişiň gubry goýlan gümmezde
jaýladylar. Olar patyşanyň ähli tabşyry-
gyny ýerine ýetirdiler. Şondan soň Hudaý
ýurt üçin edilýän dilegleri kabul etdi.

15 Piliştliler Ysraýylyň garşysyna ýene
urşa başladylar. Dawut öz esgerleri bilen
urşa çykyp, piliştliler bilen uruşdy we
halys ysgyndan gaçdy. 16 Piliştlileriň iri
nesillerinden Ýişbibenop diýen bir adam
bolup, ol agramy sekiz ýüz mysgal [b]

---

[a] **21:8** ***Merabyň*** – käbir golýazmalarda *Mikalyň*.

[b] **21:16** ***Sekiz ýüz mysgal*** – ýewreýçe *üç ýüz şekel*. Bu takm. 3,5 kg deňdir.

bolan bürünç naýza, biline täze gylyç
dakynandy. Ol Dawudy öldürmegi ýü-
regine düwdi. 17Emma Seruýanyň ogly
Abyşaý oňa kömege ýetişdi we piliştli
bilen urşup, ony öldürdi. Şondan soň Da-
wudyň adamlary: «Indi sen biziň bilen
bile söweşe çykma, goý, Ysraýylyň çy-
rasy sönmesin» diýip, oňa kasam etdiler.
18Şundan soň ysraýyllar bilen piliştli-
liler Gopda söweşe başladylar. Şonda
huşaly Sibekaý iri adamlaryň neslinden
bolan Sap diýen birini öldürdi. 19Soňra
olar piliştliler bilen Gopda ýene çaknyş-
dylar. Şonda beýtullahamly Ýagyryň
ogly Elhanan gatly Jaludy öldürdi. Ja-
ludyň naýzasynyň sapy pürs ýalydy.
20Gat galasynda ýene uruş boldy. Ol
ýerde ýene piliştlileriň iri neslinden,
elleri we aýaklary alty-altydan ýigrimi
dört barmakly şilliň uzyn biri bardy.
21Ysraýyla sögendigi üçin Dawudyň
dogany Şimganyň ogly Ýonatan ony
öldürdi. 22Bularyň dördüsi-de Gat
galasynyň iri nesillerindendiler. Olar
Dawudyň hem-de onuň esgerleriniň
elinden öldüler.

### 22-nji bap

***Dawudyň ýeňiş aýdymy***
*(Zebur 17)*

1Rebbiň Dawudy ähli duşmanlaryndan
hem-de Şawuldan halas eden güni, ol
Rebbiň şanyna şu aýdymy aýtdy:

2 «Reb – meniň gaýam, galam hem
Halasgärim,
3 Hudaýym – pena edinýän
gaýam,
galkanym, ýeňşim hem-de
berkitmäm.
Halasgärim meni zulumdan
halas eýleýär!

4 Men şan-şöhrata mynasyp Rebbi
çagyrýaryn,
hem-de duşmanlarymdan halas
bolýaryn.

5 Ölüm tolkunlary maňa oraldy,
weýrançylyk silleri meni garbady.
6 Ölüm dünýäsiniň tanaplary maňa
saraldy,
ölüm duzaklary garşymdan
çykdy.
7 Gam-gussamyň içinde Rebbi
çagyrdym,
öz Hudaýyma men perýat etdim.
Ol ybadathanasyndan meň sesimi
eşitdi;
Onuň gulagyna perýadym ýetdi.

8 Şonda zemin çaýkandy hem
endiredi,
ýeriň binýatlary sarsyp, lerzana
geldi,
sebäbi Reb gazaba mündi.

9 Gazabyndan ýaňa tüsse çykdy
burnundan,
ýuwudyjy ot bilen köreýän
közler çykdy agzyndan.
10 Ol gökleri böwsüp, aşaga indi,
zulmat aýaklarynyň astynda
bardy.
11 Ol bir keruba mündi-de, uçdy,
ýeliň ganatlarynda gaýdy.
12 Ol Özüne çadyr edindi tümlügi,
telär etdi goýy bulutlaryň
ýagmyr tümüni
13 Huzurynyň ýalkymyndan ýaňa
köreýän közler alawlap tutaşdy.

14 Reb göklerde güňleç gürledi,
seslendi Beýik Hudaý.
15 Peýkamlary atyp, pytratdy
ýagylaryny,

Ýyldyrymlar çakdyryp, weýran
etdi olary.
16 Şonda Rebbiň käýinjinden,
burnundan çykan deminden
ýaňa
deňziň geçelgeleri göründi,
dünýäniň-de binýatlary açyldy.

17 Ol belentden ýetdi hem meni aldy
Ol meni çuň suwlardan çekip
çykardy.
18 Halas etdi meni ýigrenýän güýçli
ýagymdan,
çünki olar güýçlüdi menden.
19 Olar betbagt günümde garşyma
çykdy,
ýöne Reb meniň daýanjym
boldy.
20 Meni giň ýere çykardy hem halas
etdi,
çünki Ol menden göwnühoş
boldy.
21 Ol dogrulygyma laýyk öwezini
gaýtardy,
ellerimiň tämizligine laýyk Ol
sylaglady.
22 Çünki men Rebbiň ýollaryndan
ýöredim,
Hudaýymdan aýrylmak ýaly
erbet işi etmedim.
23 Çünki gözümiň alnyndady ähli
kararlary,
özümden daşlaşdyrmadym
Onuň parzlaryny.
24 Men kämildim Onuň öňünde,
sakladym özümi günä
etmekden.
25 Şonuň üçin, dogrulygyma we
päkligime görä,
Reb öwezini gaýtardy Öz
nazarynda.

26 Sadyklyk edýärsiň Sen sadyklara,
kämillik edýärsiň Sen kämillere,
27 päklik edýärsiň Sen päk ynsanlara,
egrilere bolsa egriligine görä
garaýarsyň Sen.
28 Pesgöwünli halky halas edýärsiň,
emma tekepbir gözleri
peseldýärsiň Sen.

29 Ýa Reb, meniň çyram Sensiň,
Reb ýagtyldýar meň tümlügimi.
30 Seniň bilen talaňçylara hüjüm
ederin,
Öz Hudaýym bilen diwardan
aşyp bilerin.

31 Hudaý – Onuň ýoly kämildir,
Rebbiň sözleri sapdyr,
Ony pena edinýänleriň baryna
Reb galkandyr.
32 Çünki Rebden başga Hudaý ýok!
Hudaýymyzdan başga gaýa ýok!
33 Meniň berk galamdyr Hudaý,
kämil ýola atarýar Ol aýypsyz
adamy.
34 Ol aýaklarymy keýigiňki dek
edýär,
belent ýerlerde meni ykjam
duruzýar.
35 Urşa türgen edýär Ol ellerimi,
gollarym egreldýär bürünçden
ýaýy.

36 Ýeňiş galkanyňy maňa berýärsiň,
Seniň kömegiň-de meni
beýgeldýär.
37 Gadamlarymyň astyndaky ýoly
giňeldýäň,
meniň aýaklarym taýmaýar.

38 Duşmanlarymy kowalaýyn,
yzlaryndan ýeterin!
olary gyryp tükedýänçäm,
dolanmaýaryn.

39 Ýer bilen ýegsan etdim,
ýaraladym, galyp bilmeýär,
aýaklarymyň astyna olar
ýykylýar.
40 Uruş üçin Sen bilime kuwwat
berýärsiň,
garşyma çykanlary maňa tabyn
edýärsiň.
41 Boýun egdirýärsiň
duşmanlarymy,
gyrýaryn men özümi
ýigrenýänleri.
42 Töweregine garadylar, olary halas
edýän ýok;
Rebbi çagyrsalar-da, Ol jogap
berenok.
43 Olary tozan dek edip ýençdim,
köçeleriň palçygy kimin
mynjyratdym.

44 Öz halkymyň garşylygyndan
meni halas eýleýäň,
Sen meni milletlere baş edip
goýýaň,
tanamadyk halkym tabyndyr
maňa.
45 Meni eşiden dessine boýun
bolýarlar,
ýatlar maňa ýalym-ýulum
edýärler.
46 Kesekileriň ýüzi gorkudan ak
tama dönýär,
olar galalaryndan titreşip çykýar,

47 Reb diridir! Meniň gutulyş
Gaýam alkyşly bolsun!
Gutulyşymyň Hudaýy belende
çykarylsyn!
48 Ol meniň arymy alyp berýän
Hudaýdyr,
Ol halklary maňa golasty edýär.
49 Ol meni duşmanlarymdan halas
eýleýär.
Sen meni ýagylarymdan üstün
çykardýarsyň,
hem-de zalymlaryň elinden
meni halas edýärsiň.

50 Munuň üçin milletler arasynda
Seni alkyşlaryn, ýa Reb!
Seniň adyňa nagma aýdaryn!
51 Öz patyşaňa uly ýeňişler
getirýärsiň Sen!
Seçip-saýlan Dawudyna, onuň
nesline,
elmydama sadyk söýgüsini
görkezýär».

**23-nji bap**

***Dawudyň soňky sözleri***

1 Ine, Dawudyň soňky sözleri şulardyr:
Belende göterilen Ýyşaý ogly
Dawut diýýär,
Ýakubyň Hudaýynyň seçip
saýlan adamy,
Ysraýylyň şirin labyzly bagşysy
şeýle sözleýär:

2 «Rebbiň Ruhy meniň üstüm bilen
gepleýär,
dilimde Onuň sözleri.
3 Ysraýyl Hudaýy gepledi,
Ysraýylyň Gaýasy maňa şeýle
diýdi:
„Halka adalatly häkimlik eden,
Hudaýdan gorkup, halka
baştutanlyk eden,
4 daň şapagy ýalydyr,
aýdyň asmanda dogan Gün
ýaly,
otlaryň ýagyşdan soňky
ýalkymydyr“.

5 Meniň neslim hem Hudaýyň
öňünde şeýle dälmi näme?!

Sebäbi Ol meniň bilen baky äht
baglaşdy,
bu äht tertip-düzgünli we
bozulmazdyr.
Meniň halas bolmagym,
arzuwlarym Oňa bagly dälmi
näme?!
6 Ähli ýaramazlar zyňlan tiken
ýalydyr.
Çünki tikeni elläp bolmaýar.
7 Demir ýa-da naýza sapy
ulanylýandyr olara,
hem duran ýerinde oda
ýakylýandyr olar».

***Dawudyň batyr ýigitleri***
*(1 Ýyl ýazgylary 11:10-41)*

8 Dawudyň batyr ýigitleriniň atlary,
ine, şulardyr: tahkemonly Ýoşe Başebet.
Ol serdarlaryň baştutanydy. Ol naýza-
sy bilen bir wagtyň özünde sekiz ýüz
adamy öldürdi. 9 Ondan soňra üç batyr
ýigidiň biri ahowa urugyndan Dodo-
nyň ogly Elgazardyr. Söweşmek üçin
toplanyşan piliştlilere gyjalat berlende,
ol Dawudyň ýanyndady. Ysraýyllar yza
çekildiler, 10 emma Elgazar ýerinden
gozganmady; ol surnugýança, hatda eli
gylyja ýelmeşýänçä söweşip, piliştlileri
gyrdy. Reb şol gün beýik ýeňiş berdi.
Halk onuň yzyna diňe olja ýygnamak
üçin düşdi. 11 Üçünjisi hararly Ageniň
ogly Şammadyr. Piliştliler Lehide ýyg-
nanyşypdylar. Ol ýerde mäşden doly bir
ýer bardy. Goşun piliştlilerden gaçdy.
12 Ýöne Şamma meýdançanyň ortarasyn-
da durup, şol ýeri gorady we piliştlileri
gyrdy. Reb uly ýeňiş berdi.

13 Orak döwründe otuz serdaryň
üçüsi Dawudyň ýanyna, Adullam go-
wagyna gitdi. Piliştlileriň goşuny Rapa
jülgesinde düşläpdi. 14 Dawut şol wagt
galadady. Piliştlileriň goşun bölümi
bolsa Beýtullahamdady. 15 Dawut arman
edip: «Beýtullahamyň derwezesiniň
ýanyndaky guýudan suw getirip beren
bolsady, şondan bir içsemdim» diýdi.
16 Şonda üç batyr ýigit piliştlileriň düşel-
gesini böwsüp geçdi-de, Beýtullahamyň
derwezesiniň ýanyndaky guýudan suw
alyp, ony Dawuda getirip berdi. Emma
Dawut suwdan içmedi, ol ony Reb üçin
ýere dökdi. 17 Ol: «Meni beýtmekden
sakla, ýa Reb! Janlaryny howp astyna
salyp giden adamlaryň ganyny, heý-de,
men içip bilerinmi?!» diýip, suwdan
içmek islemedi.

Bu üç batyr ýigit şeýle edermenlikler
görkezipdi.

18 Seruýanyň ogly Abyşaý üç batyr
ýigidiň baştutanydy, ol Ýowabyň do-
ganydy. Ol öz naýzasy bilen üç ýüz
adamyň garşysyna uruşdy we olary
öldürip, üç batyr ýigit ýaly meşhur bol-
dy. 19 Ol otuz serdaryň iň meşhurydy we
baştutandy, ýöne üç serdaryň derejesine
ýetip bilmändi.

20 Ýehoýadanyň ogly Benaýa uly eder-
menlikler görkezen kabseýelli batyr
ýigitdir. Ol mowaply arslan ýürekli iki
edermen urşujyny öldürdi, şeýle hem ol
garly gün çukuryň içinde bir ýolbarsy
öldürdi. 21 Ol soňra äpet bir müsürlini öl-
dürdi. Müsürliniň elinde naýzasy bardy.
Benaýa onuň garşysyna taýakly çykdy.
Ol müsürliniň elinden naýzasyny alyp,
ony öz naýzasy bilen öldürdi. 22 Ýehoýa-
danyň ogly Benaýa, ine, şeýle işleri edip,
ol hem üç batyr ýigit ýaly meşhur boldy.
23 Ol otuz serdaryň arasynda iň meşhu-
rydy, ýöne üç batyr ýigidiň biri däldi.
Dawut ony öz janpenalarynyň baştutany
edip goýdy. 24 Otuzlaryň arasynda ýene-
de, ine, şular bardy: Ýowabyň dogany
Asahel, beýtullahamly Dodonyň ogly
Elhanan, 25 harotly Şamma we Elika,

26 paltyly Heles, tekowaly Ikeşiň ogly Yra,
27 anatotly Abygezer, huşaly Mebunnaý,
28 ahowa urugyndan Salmon, netopaly
Mahraý, 29 netopaly Bagananyň ogly
Helep, benýaminlerden gibgaly Ribaýyň
ogly Ytaý, 30 pirgatonly Benaýa, Gagaş
jülgelerinden Hidaý, 31 arbaly Abygal-
bon, bahurymly Azmawet, 32 şagalbynly
Elýahba, Ýaşeniň ogullary: Ýonatan,
33 hararly Şamma, hararly Şararyň og-
ly Ahyýam, 34 magakaly Ahasbaýyň
ogly Elipelet, giloly Ahytopeliň ogly
Eligam, 35 karmelli Hesro, arawly Pa-
gary, 36 sobaly Natanyň ogly Ýygal, gat
tiresinden Bany, 37 ammon halkyndan
Selek, Seruýanyň ogly Ýowabyň ýara-
gyny göterýän nökeri beýerotly Nahraý,
38 ýytra urugyndan Yra we Garep, 39 het
halkyndan Uryýa. Bular jemi otuz ýedi
adamdan ybaratdyr.

## 24-nji bap

### *Dawut ilat sanawyny geçirýär*
*(1 Ýyl ýazgylary 21:1-26)*

1 Rebbiň Ysraýyla ýene gaty gahary
geldi-de: «Bar, Ysraýyl bilen Ýahuda-
nyň adam sanyny bil» diýip, Dawudy
olaryň garşysyna öjükdirdi. 2 Patyşa
Ýowaba hem-de goşunbaşylara: «Dan-
dan Beýerşeba çenli ysraýyl tireleriniň
ählisine aýlanyp, olary hasaba alyň,
maňa ilatyň sany gerek» diýdi. 3 Em-
ma Ýowap patyşa ýüzlenip: «Goý, şa
hezretlerimiň gözüniň alnynda Huda-
ýyň Reb halkyňyň sanyny ýüz esse
köpeltsin! Ýöne şa hezretlerine beýle
etmek nämä gerek bolduka?!» diýdi.
4 Ýöne patyşanyň sözi Ýowabyňkydan
hem-de goşunbaşylardan üstün geldi.
Şunlukda, Ýowap bilen goşunbaşylar
ysraýyl halkynyň hasabyny almak üçin
patyşanyň ýanyndan ugradylar. 5 Olar
Iordan derýasyndan geçip, Arogerde
jülgäniň ortasyndaky galanyň günor-
tasynda düşelge gurdular. Soňra olar
Gatda ýerleşýän Ýazer tarapa gitdiler.
6 Olar Gilgada we hetleriň ýurdy bolan
Kadeşe bardylar. Soňra Danýagana, ol
ýerden bolsa Sidonyň töwereklerine
bardylar. 7 Ol ýerden Sur galasyna we
hiwileriň hem-de kenganlaryň ähli ga-
lalaryna aýlandylar. Iň soňunda olar
Ýahudanyň Negep çölündäki Beýerşeba
galasyna gitdiler. 8 Şeýdip, olar bütin
ýurdy aýlanyp, dokuz aý ýigrimi gün
diýlende Iýerusalime dolanyp geldiler.
9 Ýowap ilat ýazuwynyň netijesi bilen
patyşany habardar etdi: Ysraýylyň eli
gylyç tutup biljek adamlarynyň sany
sekiz ýüz müň, Ýahudanyňky bolsa bäş
ýüz müň adam bolup çykdy.

10 Ilat ýazuwyndan soň Dawudyň ýüre-
ginde ynjalyksyzlyk peýda boldy. Dawut
Rebbe: «Şu hereketim bilen Seniň öňüň-
de uly günä gazandym, akmaklyk etdim.
Öz guluňy günä astynda goýma, ýa Reb!
Ýalbarýaryn!» diýip, Rebbe ýüzlendi.
11 Ertesi irden Dawut entek turmanka,
Dawudyň görgüri Gat pygambere Reb-
biň şu sözi aýan boldy: 12 «Dawudyň
ýanyna bar-da: „Reb seniň öňüňde üç
şert goýýar; birini saýla, Ol şony hem
amala aşyrjak“ diýip aýt». 13 Gat muny
Dawuda aýtdy we oňa: «Ýurduňa ýedi
ýyl açlyk gelsinmi ýa üç aýlap duşmanla-
ryňa kowduryp, olardan gaçyp gezjekmi,
ýa-da ýurduňa üç günläp gyrgyn keseli
gelsinmi? Pikir et-de, belli karara gel;
meni iberen Rebbe berjek jogabyňy
aýt» diýdi. 14 Dawut Gada: «Men erbet
ýagdaýa düşdüm. Gowusy, Rebbiň eline
düşeýin, ynsan eline düşmäýin. Rebbiň
rehimdarlygy beýikdir» diýdi.

15 Reb ir säherden başlap, tä belle-
nen möhlet dolýança, Ysraýyla gyrgyn

keselini iberdi. Dandan Beýerşeba çenli
aralykda ýaşaýan ilatdan ýetmiş müň
adam bu keseliň pidasy boldy. [16]Perişde
Iýerusalimiň halkyny gyrmak üçin oňa
tarap elini uzadanda, Reb ýüregine dü-
wen betbagtçylygyny goýbolsun etdi. Ol
gyrýan perişdä: «Besdir! Indi eliňi çek»
diýdi. Şonda Rebbiň perişdesi ýabuslar-
dan bolan Arawnanyň harman ýeriniň
golaýyndady. [17]Dawut adamlaryň ba-
şyna külpet getirýän perişdäni görende,
Rebbe: «Wah, men günä gazandym, ine,
men hata iş etdim. Ýöne bu bigünä halk
näme etdi ahyryn? Goý, Sen diňe maňa
hem atamyň nesline jeza ber» diýdi. [18]Şol
gün Gat Dawudyň ýanyna baryp: «Bar,
ýabuslardan bolan Arawnanyň harman
ýerinde Rebbe gurbanlyk sypasyny gur»
diýdi. [19]Gatyň sözlerine eýerip, Dawut
Rebbiň emri bilen çykyp gitdi. [20]Paty-
şanyň adamlary bilen bile özüne tarap
gelýändigini Arawna gördi; öňlerinden
çykyp, iki bükülip, patyşa tagzym etdi.
[21]Soňra ol: «Şa hezretleri näme sebäpden
gulunyň ýanyna geldikä?» diýdi. Dawut:
«Rebbe gurbanlyk sypasyny gurmak
üçin, seniň harman ýeriňi satyn almaga
geldim. Şeýdip, halkyň başyna düşen
betbagtçylyk sowlar» diýdi. [22]Arawna
Dawuda şeýle diýdi: «Şa hezretleri ony
alsyn-da, islän zadyny gurbanlyk bersin.
Ine, ýakma gurbanlygy üçin öküzler,
ine-de odun üçin döwek döwýän gural-
lardyr öküzleriň boýuntyryklary. [23]Eý,
patyşa, şu zatlaryň hemmesini Arawna
size berýär. Goý, Hudaýyň Reb senden
razy bolsun». [24]Emma patyşa oňa: «Ýok,
men olaryň bahasyny tölejek. Mugt dü-
şen zady Hudaýym Rebbe gurbanlyk
berjek däl» diýdi. Şunlukda, Dawut
harman ýeri bilen öküzleri elli kümüş
teňňä satyn aldy. [25]Dawut ol ýerde Reb-
be gurbanlyk sypasyny gurup, ýakma
hem salamatlyk gurbanlyklaryny berdi.
Reb ýurt üçin edilen dilegleri kabul et-
di; gyrgyn belasy Ysraýyldan sowuldy.

# Patyşalar

## Birinji kitap

## Giriş

*Şamuwel pygamber* we *Patyşalar* kitaplarynda Ysraýyl şalygynyň ir döwürden tä onuň ahyrky günlerine çenli bolup geçen taryhy beýan edilýär.

Bu kitapda Dawut pygamberiň ömrüniň ahyrky günleri barada gürrüň berilýär. Ol indi garrap, ýaşy birçene baran goja, saglygynyň hem öňküligi ýok. Dawut pygamber ysraýyl halkyna baştutanlyk etmegiň indi özüne aňsat däldigine düşünýär. Şonuň üçin-de, ol ogly Süleýmany patyşalyga belleýär.

Süleýman patyşalyga bellenilende, şeýle uly halka baştutanlyk etmek üçin Hudaýdan ilki bilen pähim-paýhas dileýär. Süleýmanyň bu dilegi Hudaýyň göwnüne ýaraýar. Şonuň üçin-de, Ol şeýle diýýär: «Özüňe uzak ömür, baýlyk dilemän ýa-da duşmanlaryňyň ölümini dilemän, eýsem ýagşy-ýamany saýgarar ýaly, akyl-paýhas diläniň üçin, Men saňa dilän zadyňy berýärin. Men saňa öňküleriň hiç birinde bolmadyk we senden soň hem hiç kimde bolup bilmejek akyl-paýhas, aň-düşünje bererin» (3:11-12).

Şunlukda, Süleýman pygamber Hudaýyň beren pähim-paýhasy bilen ysraýyl halkyna 40 ýyl baştutanlyk edýär, Hudaýa sežde etmek üçin ilkinji ybadathanany gurýar, pähim-paýhaslar kitabyny ýazýar. Ol öz döwrüniň iň tanymal patyşalarynyň biri bolýar. Ýöne onuň çendenaşalyga ýykgyn edendigini hem belläp geçmelidir. Mysal üçin, onuň döwründe halkdan ýygnalan salgydyň mukdary has-da artýar, aýaldyr gyrnaklarynyň sany juda köp bolýar.

Süleýman aradan çykandan soň onuň patyşalygy Demirgazyk we Günorta patyşalyklaryna bölünýär. Demirgazyk patyşalygy Ysraýyl, Günorta patyşalygy hem Ýahuda atlary bilen bellidir. *Patyşalar* kitaplarynyň ikisinde hem Ysraýyl we Ýahuda patyşalyklaryň Hudaýyň buýruklaryna näderejede tabyn bolandyklary beýan edilýär. Patyşalaryň diňe birnäçesi Rebbiň buýruklaryna tabyndylar. Beýleki patyşalar bolsa öz bitabynlyklary zerarly özlerini we tutuş halky Hudaýyň jezasyna sezewar etdiler. Şalyklaryň aman galan raýatlary Aşur we Babyla sürgün edilende, Ysraýyl we Ýahuda patyşalyklarynyň hökmürowanlygy tamamlanýar. Iýerusalimiň we ybadathananyň diwarlary babyllylar tarapyndan weýran edilýär. Emma wagtyň geçmegi bilen Ýahuda patyşalygy gaýtadan dikeldilýär. Bu wakalar *Ezra* we *Nehemýa* kitaplarynda beýan edilýär.

Bu kitapda Ylýas pygamber barada hem gürrüň berilýär. Ol Hudaýyň güýji arkaly mugjyzalardyr gudratlary görkezen pygamberdir.

***Mazmuny***


Dawudyň patyşalygy tamamlanýar ... *1:1–2:12*
Süleýman patyşa saýlanylýar ... *2:13-46*
Süleýmanyň şalygynyň irki ýyllary ... *3:1–4:34*
Ybadathana gurulýar ... *5:1–8:66*
Süleýmanyň şalygynyň soňky ýyllary ... *9:1–11:43*
Patyşalyk bölünýär ... *12:1–22:53*
Demirgazyk tireleri gozgalaň turuzýar ... *12:1–14:20*
Ysraýylyň we Ýahudanyň patyşalary ... *14:21–16:34*
Ylýas pygamber ... *17:1–19:21*
Ysraýyl patyşasy Ahap ... *20:1–22:40*
Ýahuda patyşasy Ýehoşapat we Ysraýyl patyşasy Ahazýa ... *22:41-53*


---

## 1-nji bap

### *Dawut patyşanyň ömrüniň soňky ýyllary*

1 Dawut patyşa garrap, ýaşy birçene
ýetipdi. Onuň üstüni näçe ýapynja bi-
len basyrsalar-da, ol ýylnyp bilenokdy.
2 Şonda onuň köşk emeldarlary oňa:
«Siziň alyhezretiňiz, siziň üçin bir ýaş
boý gyz gözlesinler; ol gyz patyşanyň
huzurynda durup, oňa hyzmat etsin,
jenabym patyşa golaý ýatyp, ony gyz-
dyrsyn» diýdiler. 3 Şeýdip, olar tutuş
Ysraýylda görmegeý, boý gyzyň gözle-
gine çykdylar we şunemli Abyşag atly
bir gyzy tapyp, ony patyşanyň huzuryna
getirdiler. 4 Gyz gaty görmegeýdi. Ol
patyşa seretdi, oňa hyzmat etdi, ýöne
patyşa oňa ýanaşmady.

### *Adonyýa özüni patyşa diýip yglan edýär*

5 Dawudyň Hagytdan bolan ogly
Adonyýa tekepbirlik bilen: «Men pa-
tyşa bolaryn» diýdi. Ol özi üçin söweş
arabalaryny, söweş arabaly esgerleri
hem-de öňünden ýörär ýaly elli sany
esger taýýnlady. 6 Kakasy Dawut hiç
haçan oňa: «Näme üçin beýle etdiň?»
diýmändi. Adonyýa Abşalomdan soň
doglan gaty görmegeý oglandy. 7 Ado-
nyýa Seruýanyň ogly Ýowap we Abýatar
ruhany bilen dil düwüşdi. Şeýdip, ol ikisi
Adonyýanyň tarapynda boldy. 8 Emma
Sadok ruhany, Ýehoýadanyň ogly Bena-
ýa, Natan pygamber, Şimgi, Regi hem-de
Dawudyň batyr ýigitleri Adonyýanyň
tarapynda däldiler.
9 Adonyýa Eýnrogeliň golaýynda-
ky Ýylan gaýanyň ýanynda goýunlary,
semiz öküzçeleri we mallary gurban-
lyk berip, ähli doganlaryny, patyşanyň
ogullaryny, Ýahudanyň ähli köşk emel-
darlaryny çagyrdy. 10 Emma ol Natan
pygamberi-de, Benaýany-da, Dawudyň
batyr ýigitlerini-de, öz dogany Süleý-
many-da çagyrmady.

### *Süleýman patyşa diýlip yglan edilýär*

11 Soňra Natan pygamber Süleýmanyň
ejesi Batşeba şeýle diýdi: «Sen Hagytyň

ogly Adonyýanyň patyşa bolandygy-
ny we jenabymyz Dawudyň mundan
habarynyň ýokdugyny eşitmediňmi?
12 Indi men saňa ogluň Süleýman ikiňi-
ziň öz janyňyzy halas etmegiňiz üçin bir
maslahat bereýin. 13 Sen dessine Dawut
patyşanyň ýanyna git-de, ondan: „Eý,
jenabym, sen menden soň seniň ogluň
Süleýman patyşalyk eder, ol meniň tag-
tymda oturar diýip, maňa ant içmediňmi
näme? Onda näme üçin häzir Adonyýa
patyşalyk edýär?“ diýip soragyn. 14 On-
soň sen şol ýerde patyşa bilen gepleşip
durkaň, men seniň yzyňdan girip, seniň
aýdanlaryňy tassyklaryn».

15 Şeýdip Batşeba patyşanyň içki
otagyna geldi. Patyşa gaty garrapdy;
şunemli Abyşag oňa seredýärdi. 16 Bat-
şeba patyşanyň öňünde dyza çöküp
tagzym etdi. Patyşa ondan: «Näme ar-
zyň bar?» diýip sorady. 17 Batşeba oňa:
«Eý, meniň jenabym: „Menden soň se-
niň ogluň Süleýman patyşalyk eder, ol
meniň tagtymda oturar“ diýip, maňa
Hudaýyň Rebden ant içipdiň. 18 Emma
häzir Adonyýa patyşalyk edýär, seniň
bu zatlardan habaryň ýok. 19 Ol birto-
par semiz öküzçeleri, mallary hem-de
goýunlary gurbanlyk berip, patyşanyň
ähli ogullaryny, Abýatar ruhanyny, go-
şun serkerdesi Ýowaby çagyrdy, ýöne
ol guluň Süleýmany çagyrmady. 20 Eý,
jenabym, häzir bütin ysraýyl halky-
nyň gözi sendedir. Sen jenabymdan soň,
onuň tagtynda kimiň oturmalydygyny
olara aýt. 21 Ýogsam jenabym dünýäden
ötenden soň, men we oglum Süleýman
etmişli saýylarys» diýdi.

22 Batşeba patyşa bilen gepleşip durka,
Natan pygamber geldi. 23 Patyşa: «Natan
pygamber şu ýerde» diýip habar berdiler.
Ol patyşanyň huzuryna geldi we ýüzin
düşüp, oňa tagzym etdi. 24 Natan oňa
şeýle diýdi: «Eý, jenabym, sen: „Menden
soň Adonyýa patyşalyk eder, ol meniň
tagtymda oturar“ diýip aýtdyňmy nä-
me? 25 Adonyýa bu gün gidip, birtopar
semiz öküzçeleri we mallary, goýunlary
gurbanlyk berip, patyşanyň ogullarynyň
baryny, goşun serkerdelerini we Abýatar
ruhanyny çagyrdy. Olar Adonyýa bilen
bile iýip-içip: „Ýaşasyn Adonyýa patyşa!“
diýýärler. 26 Ýöne Adonyýa men guluňy,
Sadok ruhanyny, Ýehoýadanyň ogly
Benaýany we guluň Süleýmany çagyr-
mady. 27 Eger bu iş jenabym patyşanyň
tabşyrygy boýunça bolan bolsa, onda
näme üçin gullaryňa jenabym patyşa-
dan soň tagtda kimiň oturmalydygyny
aýtmadyň?»

28 Dawut patyşa: «Batşebany meniň
ýanyma çagyryň» diýdi. Batşeba pa-
tyşanyň huzuryna gelip, onuň öňünde
durdy. 29 Patyşa Rebden ant içip, şeýle
diýdi: «Janymy her muşakgatdan guta-
ran Reb muňa şaýatdyr: 30 „Menden soň
seniň ogluň Süleýman patyşalyk eder, ol
meniň tagtymda oturar“ diýip, Ysraýyl
Hudaýy Rebden içen antymy bu gün
hökman berjaý ederin». 31 Onsoň Batşeba
ýüzüni ýere berip, oňa tagzym etdi we:
«Goý, jenabym Dawut patyşanyň ömri
uzak bolsun!» diýdi.

32 Dawut patyşa: «Sadok ruhanyny,
Natan pygamberi, Ýehoýadanyň og-
ly Benaýany meniň ýanyma çagyryň»
diýdi. Olar patyşanyň huzuryna geldiler.
33 Patyşa olara: «Meniň köşk emeldar-
larymy ýanyňyz bilen alyň-da, oglum
Süleýmany meniň gatyryma mündürip,
Gihona äkidiň. 34 Sadok ruhany bilen
Natan pygamber şol ýerde onuň başy-
na ýag guýup, ony Ysraýylyň üstünden
patyşalyga bellesinler; onsoň surnaý
çalyň-da: „Ýaşasyn Süleýman patyşa!“
diýip gygyryň. 35 Siz onuň yzy bilen

gelersiňiz, ol gelsin-de, meniň tagtym-
da otursyn we meniň ýerime patyşa
bolsun. Çünki men ony Ysraýylyň we
Ýahudanyň patyşasy edip belledim»
diýdi. 36 Ýehoýadanyň ogly Benaýa pa-
tyşa jogap berip, şeýle diýdi: «Omyn!
Meniň jenabymyň Hudaýy Reb hem
şeýle diýsin. 37 Reb jenabym bilen bolşy
ýaly, Süleýman bilen hem bolup, onuň
şalygyny jenabym Dawut patyşanyň
şalygyndan-da has gülletsin».

38 Şeýdip, Sadok ruhany, Natan pygam-
ber, Ýehoýadanyň ogly Benaýa, keretler
hem peletler gidip, Süleýmany Dawut
patyşanyň gatyryna mündürdiler-de, ony
Gihona tarap äkitdiler. 39 Sadok ruhany
Rebbe ýüz tutulýan çadyrdan içi zeýtun
ýagly şahy alyp, Süleýmanyň başyna
ýag guýdy. Soňra surnaý çalnyp, ähli
adamlar: «Ýaşasyn Süleýman patyşa!»
diýip gygyryşdylar. 40 Olar tüýdük çalyp,
şatlanyp, gygyryşyp, Süleýmanyň yzy
bilen gitdiler. Olaryň sesi ýeri sarsdyrdy.

41 Adonyýa bilen onuň ýanyndaky
çagyrylanlaryň bary iýip-içip bolan-
laryndan soň muny eşitdiler. Ýowap
surnaý sesini eşidip: «Şäherdäki bu
şowhun nämekä?» diýdi. 42 Ol gepläp
durka, Abýatar ruhanynyň ogly Ýona-
tan geldi. Adonyýa: «Giriber, çünki sen
hormatlanýan adamsyň, hoş habar geti-
rensiň» diýdi. 43 Ýonatan Adonyýa şeýle
diýdi: «Ýok, beýle däl, jenabymyz Dawut
patyşa Süleýmany patyşa etdi. 44 Paty-
şa Sadok ruhanyny, Natan pygamberi,
Ýehoýadanyň ogly Benaýany, keretleri,
peletleri onuň bilen iberdi. Olar ony pa-
tyşanyň gatyryna mündürdiler. 45 Sadok
ruhany bilen Natan pygamber onuň ba-
şyna ýag guýup, ony Gihonda patyşalyga
bellediler. Şol ýerden olar şatlanyşyp,
gygyryşyp şähere tarap gaýtdylar. Bu
adamlaryň şowhunly sesleridir. Siziň
eşiden şowhunyňyz şoldur. 46 Süleýman
patyşalyk tagtynda oturýar. 47 Patyşanyň
emeldarlary jenabymyz Dawut patyşany
mübärekläp: „Goý, Hudaýyň Süleýma-
nyň adyny seniň adyňdan-da meşhur
etsin, onuň şalygyny seniň şalygyňdan-
da has gülletsin“ diýdiler. Patyşa hem
düşeginiň üstünden Hudaýa sežde etdi.
48 Patyşa dowam edip, şeýle dileg etdi:
„Şu gün gözümiň açyklygynda meniň
perzentlerimiň birine tagtymy beren,
Ysraýyl Hudaýy Rebbe alkyş bolsun“».

49 Onsoň Adonyýanyň ýanyndaky ça-
gyrylanlaryň bary gorkuşyp, ýerlerinden
turup, hersi öz ýoluna gitdi. 50 Adonyýa
Süleýmandan gorkusyna, dessine Reb-
be ýüz tutulýan çadyra gidip, özüni
goramak üçin, şol ýerdäki gurbanlyk
sypasynyň çykyp duran şahlaryndan
ýapyşdy. 51 Süleýmana şeýle habar berdi-
ler: «Ine, Adonyýa Süleýman patyşadan
gorkýar, ol gurbanlyk sypasynyň şahla-
ryndan ýapyşyp: „Goý, Süleýman patyşa
şu gün öz guluny öldürmejekdigi barada
maňa ant içsin“ diýýär». 52 Süleýman
şeýle jogap gaýtardy: «Eger ol özüni
laýyk alyp barsa, onuň ýekeje gylam
gymyldamaz, eger-de ondan bir pis-
lik tapylaýsa, onda ol öler». 53 Şeýdip,
Süleýman patyşa onuň yzyndan adam
iberip, ony gurbanlyk sypasyndan ge-
tirtdi. Ol gelip, Süleýman patyşa tagzym
etdi. Süleýman hem oňa: «Bar, öýüňe
gaýt» diýdi.

## 2-nji bap

### *Dawudyň Süleýmana wesýeti*

1 Dawut ölmeziniň öň ýanynda ogly
Süleýmany ýanyna çagyryp, oňa şeýle
wesýet etdi: 2 «Her kes kimin men-de
dünýäden ötmeli pursadym golaý gel-
di. Sen tutanýerli bol, mert bol. 3 Öz

Hudaýyň Reb näme buýursa, ony ýerine
ýetir; Rebbiň ýollaryndan ýöräp, Onuň
parzlaryny, tabşyryklaryny, hökümlerini
hem-de öwüt-ündewlerini Musanyň ka-
nunynda ýazylyşy ýaly berjaý et. Şonda
sen näme etseň-de, nirä gitseň-de, işiň
şowuna bolar. 4 Onsoň Reb: „Eger seniň
ogullaryň Maňa gulak goýup, bütin
kalplary, jan-tenleri bilen Maňa iman
edip ýaşasalar, ysraýyl tagtyndan seniň
nesliňiň arkasy kesilmez“ diýip, maňa
beren wadasyny berjaý eder. 5 Şeýle
hem Seruýanyň ogly Ýowabyň maňa
näme edenini hem-de onuň Ysraýylyň
iki goşunbaşysyny Neriň ogly Abneri
hem-de Ýeteriň ogly Emasany öldürip,
näme edenini özüň bilýänsiň. Ol uruş
wagtyndaky gan üçin asudalyk wag-
tynda ar alyp, olary öldürdi. Ýowap
eşiklerini uruş döwründäki ýaly gana
bulady. 6 Sen pähim-paýhasyňa görä he-
reket et. Ýowap garrylyk çagynda ölüler
dünýäsine asudalykda inmesin. 7 Gilgatly
Barzyllaýyň ogullaryna mähirli bol. Sen
olary zerur zatlar bilen üpjün et, çünki
men doganyň Abşalomdan gaçanymda,
olar maňa ýagşylyk etdiler. 8 Şeýle hem
Bahurymdan bolan benýaminli Gera-
nyň ogly Şimgi bardyr. Mahanaýyma
barýarkam, ol maňa erbet gargyş etdi,
ýöne ol Iordan derýasyna meni garşy-
lamaga gelende, men oňa: „Men seni
öldürmerin“ diýip, Rebden ant içdim.
9 Emma sen Şimgini jezasyz galdyrma,
çünki sen paýhasly adamsyň we oňa
näme etmelidigiňi özüň bilersiň. Şim-
gi garrylyk çagynda ölüler dünýäsine
asudalykda inmesin».

### *Dawudyň ölümi*

10 Onsoň Dawut ata-babalaryna go-
wuşdy. Ony Dawut galasynda jaýladylar.
11 Dawut Ysraýylda kyrk ýyllap patyşalyk
etdi. Ol ýedi ýyl Hebronda, otuz üç
ýyl hem Iýerusalimde patyşalyk etdi.
12 Şeýdip, Süleýman kakasy Dawudyň
tagtyna çykdy; onuň patyşalygy gaty
mäkäm boldy.

### *Adonyýanyň ölümi*

13 Onsoň Hagytyň ogly Adonyýa Sü-
leýmanyň ejesi Batşebanyň ýanyna
geldi. Batşeba ondan: «Eýgiligemi?»
diýip sorady. Adonyýa hem: «Eýgilige»
diýip jogap berdi. 14 Soňra Adonyýa:
«Seniň bilen bir gürrüňim bar» diýdi.
Batşeba: «Aýdyber» diýdi. 15 Adonyýa
şeýle diýdi: «Sen bilýärsiň, men paty-
şa bolmalydym, bütin ysraýyl halky
meniň patyşa bolmagyma garaşýardy.
Emma bu başgaça boldy, meniň inim
patyşa boldy, çünki bu patyşalyk Reb-
dendi. 16 Indi meniň senden bir haýyşym
bar; ony ret etme». Batşeba hem oňa:
«Aýdyber» diýdi. 17 Adonyýa: «Haýyş
edýärin, Süleýman patyşadan şunemli
Abyşagy maňa aýallyga bermegini soraý.
Ol saňa ýok diýmez» diýdi. 18 Batşeba:
«Bolýar, men seniň üçin patyşa bilen
gepleşerin» diýdi.
19 Şeýlelikde, Batşeba Adonyýanyň
adyndan gepleşmek üçin Süleýman pa-
tyşanyň ýanyna gitdi. Patyşa ony garşy
almaga ýerinden galyp, tagzym edip,
tagtynda oturdy. Patyşanyň ejesi üçin
hem bir tagt getirip goýdular, ol paty-
şanyň sag tarapynda oturdy. 20 Soňra
Batşeba: «Meniň bir kiçijik haýyşym
bar; ony ret etme» diýdi. Patyşa hem
oňa: «Haýyşyňy aýdyber eje, men ony
ret etmen» diýdi. 21 Batşeba: «Goý, şu-
nemli Abyşag seniň doganyň Adonyýa
aýallyga berilsin» diýdi. 22 Süleýman
patyşa ejesine şeýle jogap berdi: «Sen
näme üçin şunemli Abyşagy Adonyýa
üçin soraýarsyň? Onuň üçin patyşalygy

hem sora! Çünki ol meniň uly doganym-
dyr; patyşalygy diňe onuň üçin däl-de,
eýsem Abýatar ruhany bilen Seruýanyň
ogly Ýowap üçin hem sora!» 23 Onsoň
Süleýman patyşa Rebden ant içip, şeýle
diýdi: «Eger Adonyýa bu sözleri üçin
öz jany bilen jogap bermese, Hudaý ma-
ňa-da muny we mundan hem beterini
görkezsin. 24 Meni dikeldip, kakam Da-
wudyň tagtynda oturdan, wada berşi ýaly
maňa we meniň nesillerime patyşalygy
beren Rebden ant içýärin. Adonyýa hut
şu günüň özünde öldüriler!» 25 Şeýdip,
Süleýman patyşa Ýehoýadanyň ogly
Benaýany Adonyýanyň ýanyna iberdi.
Ol hem ony öldürdi.

### *Abýatar kowulýar*

26 Patyşa Abýatar ruhana şeýle diýdi:
«Bar, öz Anatotdaky ýeriňe git, çünki
sen ýaşamaga mynasyp dälsiň. Emma
men seni şu wagt öldürjek däl, çünki
sen kakam Dawudyň öňünde Hökmü-
rowan Rebbiň sandygyny göterdiň, sen
kakamyň ähli muşakgatlyklaryny deň
çekişdiň». 27 Şeýdip, Süleýman Abýatary
Rebbe ruhany hökmünde gulluk etmek-
lik hukugyndan mahrum etdi. Şeýdip,
Rebbiň Şilodaky Eliý we onuň nesilleri
baradaky aýdan sözleri berjaý boldy.

### *Ýowabyň ölümi*

28 Bu habar Ýowaba baryp gowşanda,
ol Rebbiň çadyryna gaçyp baryp, gur-
banlyk sypasynyň şahlaryndan ýapyşdy.
Çünki Ýowap Abşaloma däl-de, Adony-
ýa goldaw beripdi. 29 Süleýman patyşa:
«Ýowap Rebbiň çadyryna gaçyp bardy,
ol şol ýerde gurbanlyk sypasynyň ýa-
nynda» diýip habar berdiler. Süleýman:
«Bar, git-de, ony öldür» diýip, Ýehoýa-
danyň ogly Benaýany iberdi. 30 Onsoň
Benaýa Rebbiň çadyryna gelip, Ýowaba:
«Saňa patyşanyň adyndan bärik çykma-
gyňy buýurýaryn» diýdi. Ýöne Ýowap:
«Ýok, men şu ýerde öljek» diýdi. Soňra
Benaýa ýene-de, yzyna gidip: «Ýowap
maňa şu jogaby berdi» diýip, onuň ähli
aýdanlaryny patyşa habar berdi. 31 Patyşa
şeýle jogap berdi: «Onuň aýdyşy ýaly et.
Ony öldür-de, jaýla. Şeýdip, menden we
kakam Dawudyň beýleki nesilleriniň
boýnundan Ýowabyň döken nähak gany-
nyň günäsini aýyr. 32 Reb onuň bu döken
ganyny öz başyndan inderer. Çünki ol
özünden-de dogruçyl hem-de gowy iki
adamy, ýagny Ysraýylyň goşunbaşy-
sy, Neriň ogly Abner bilen Ýahudanyň
goşunbaşysy Ýeteriň ogly Emasa bilen
urşup, olary öldürdi, kakam Dawudyň
bolsa mundan habary ýokdy. 33 Abne-
riň we Emasanyň gany ebedi Ýowabyň
hem-de onuň nesilleriniň başyndan iner.
Emma Reb Dawuda we onuň tagtda
oturýan nesillerine ebedilik asudalyk be-
rer». 34 Onsoň Ýehoýadanyň ogly Benaýa
gidip, Ýowaby öldürdi. Ol öz çöldäki
mülkünde jaýlandy. 35 Patyşa onuň ýerine
Ýehoýadanyň ogly Benaýany goşunbaşy
edip belledi. Abýataryň deregine bolsa,
Sadogy ruhanylyga belledi.

### *Şimginiň ölümi*

36 Soňra patyşa adam ýollap, Şimgini
çagyrdyp, oňa şeýle diýdi: «Iýerusalim-
den özüňe bir jaý sal-da, şol ýerde ýaşa,
başga hiç ýere gitme. 37 Bilip goý, Kid-
ron deresinden geçip, şol ýerden çykan
günüň hökman ölersiň. Sen ölümi öz
başyňa satyn alarsyň». 38 Şimgi patyşa:
«Seniň aýdýan zatlaryň mamladyr, je-
nabym. Guluňyz–men edil aýdyşyňyz
ýaly hem eder» diýdi. Şeýdip, Şimgi esli
wagtlap Iýerusalimde ýaşady.
39-40 Üç ýyldan soň Şimginiň iki sa-
ny guly, Gatyň hany Magakanyň ogly

Akyşyň ýanyna gaçyp bardylar. Şimgi:
«Seniň gullaryň Gatda» diýen habary
eşidip, turup, eşegini gaňňalap, mün-
di-de, gullaryny gözläp, Gata Akyşyň
ýanyna gitdi. Şimgi gidip, gullaryny
Gatdan yzyna getirdi. 41-42 Şimginiň Iýe-
rusalimden Gata gidendigini we ýene
yzyna dolanyp gelendigi baradaky ha-
bary Süleýmana ýetirenlerinde, patyşa
adam iberip, Şimgini çagyrtdy we oňa:
«Men saňa Rebden ant içirip: „Bilip goý,
başyňa näme düşse-de, şol ýerden başga
ýere giden günüňiň özünde, sen hökman
ölersiň diýip duýdurmanmydym näme?“.
Sen hem maňa: „Seniň aýdýanlaryň
bary dogry. Men saňa gulak asaryn“
diýipdiň. 43 Onda näme üçin Rebbe içen
antyňy, meniň saňa beren tabşyrygy-
my berjaý etmänsiň?» 44 Patyşa sözüni
dowam etdirip: «Kakam Dawuda eden
ähli ýamanlyklaryňy özüň bilýänsiň.
Şol eden ýamanlyklaryňy Reb seniň öz
başyňdan inderer. 45 Emma Süleýman
patyşa ýalkanar. Dawudyň tagty Rebbiň
öňünde baky berkär» diýdi. 46 Onsoň pa-
tyşa Ýehoýadanyň ogly Benaýa buýruk
berdi; ol-da gidip, ony öldürdi.

Şeýdip, Süleýmanyň patyşalygy
berkedi.

### 3-nji bap

***Süleýman Hudaýdan pähim-paýhas dileýär***
*(2 Ýyl ýazgylary 1:3-12)*

1 Süleýman Müsür patyşasy faraonyň
gyzyna öýlenip, patyşa bilen garyndaş-
lyk açdy. Ol öz öýi, Rebbiň öýi hem-de
Iýerusalimiň daşyndaky diwarlar salnyp
gutarylýança, aýalyny Dawut galasyna
getirdi. 2 Adamlar seždegählerde gur-
banlyk berýärdiler, çünki henize çenli
Rebbe ybadat öýi salynmandy.

3 Süleýman kakasy Dawudyň wesýet-
lerini berjaý edip, Rebbi söýdi. Ýöne ol
seždegählerde gurbanlyk berip, ýakym-
ly ysly tütetgi ýakdy. 4 Bir gün patyşa
gurbanlyk bermek üçin Gibgona git-
di, çünki esasy seždegäh şol ýerdedi.
Süleýman şol ýerde müňlerçe ýakma
gurbanlyklaryny beripdi. 5 Gibgonda gije
Süleýmanyň düýşüne Reb girdi. Hudaý
oňa: «Dile, dilän zadyňy bererin» diýdi.
6 Süleýman şeýle diýdi: «Guluň kakam
Dawudyň ynamly, dogruçyl hem-de
akýürekli bolany üçin, oňa beýik, sadyk
söýgiňi görkezdiň. Bu gün oňa tagtynda
oturmaga ogul berip, Öz beýik merhe-
metiňi görkezdiň. 7 Indi, eý, Hudaýym
Reb, Sen guluň–meni kakam Dawudyň
ýerine patyşa etdiň. Men ýolbaşçylyk
etmäge ukyby bolmadyk, tejribesiz, ýaş
oglandyryn. 8 Guluň Seniň saýlan, san-
sajaksyz halkyňyň arasyndadyr. 9 Şonuň
üçinem halkyňy dolandyrar ýaly, ýagşy-
ýamany saýgarar ýaly, Sen Öz guluňa
pähim-paýhas ber, çünki Seniň san-sa-
jaksyz halkyňy kim dolandyryp biler?»

10 Süleýmanyň bu dilegi Taňra ýara-
dy. 11-12 Hudaý oňa şeýle diýdi: «Özüňe
uzak ömür, baýlyk dilemän ýa-da duş-
manlaryňyň ölümini dilemän, eýsem
ýagşy-ýamany saýgarar ýaly akyl-paýhas
diläniň üçin, Men saňa dilän zadyňy
berýärin. Men saňa öňküleriň hiç bi-
rinde bolmadyk we senden soň hem hiç
kimde bolup bilmejek akyl-paýhas, aň-
düşünje bererin. 13 Men saňa dilemedik
zatlaryňy, ýagny ömürboýy egsilmejek
baýlyk bilen hormat bererin. Saňa taý
geljek patyşa bolmaz. 14 Eger sen meniň
parzlarymdyr tabşyryklarymy berjaý
edip, kakaň Dawut ýaly ýollarymdan
ýöreseň, Men seniň ömrüňi-de uzal-
daryn». 15 Süleýman oýandy, görse, bu
düýş eken. Soňra ol Iýerusalime gelip,

Rebbiň Äht sandygynyň öňünde durup,
ýakma we salamatlyk gurbanlyklaryny
berip, ähli emeldarlary üçin meýlis gurdy.

### *Süleýmanyň paýhasly hökümi*

16 Bir gün iki sany azgyn aýal gelip, pa-
tyşanyň huzurynda durdy. 17 Ol aýallaryň
biri şeýle diýýär: «Eý, jenabym, men şu
aýal bilen bir öýde ýaşaýaryn. Şu aýal öý-
dekä, meniň çagam dogulýar. 18 Şondan
üç gün soň munuň hem çagasy bolýar.
Biziň ikimiz bile ýaşaýarys, öýde biziň
ikimizden başga hiç kim ýok. 19 Onsoň
bir gije bu aýalyň ogly ölýär, sebäbi ol
çagasynyň üstüne togalanypdyr. 20 Ol
ýary gije turup, men uklap ýatyrkam,
meniň gapdalymda ýatan oglumy alyp,
öz gujagynda, öz ölen ogluny bolsa me-
niň gujagymda goýupdyr. 21 Men ertesi
irden oglumy emdirjek bolsam, ol öli
ýatyr. Men oňa dykgat bilen seretdim we
çaganyň özümiňki däldigine magat göz
ýetirdim». 22 Emma beýleki aýal: «Ýok,
diri çaga meniňki, ölen çaga seniňki»
diýýär. Birinji aýal: «Ýok, ölen çaga se-
niňki, diri çaga meniňki» diýýär. Şeýdip,
olar patyşanyň huzurynda jedelleşdiler.
23 Onsoň patyşa şeýle diýýär: «Biriňiz:
„Diri çaga meniňki, ölen çaga seniňki“
diýýärsiňiz, beýlekiňiz bolsa: „Ýok, beýle
däl! Ölen çaga seniňki, diri çaga meniňki“
diýýärsiňiz». 24 Soňra patyşa: «Maňa bir
gylyç getirip beriň» diýýär. Patyşa gylyç
getirip berýärler. 25 Ol: «Diri galan çagany
iki bölüň-de, ýarysyny birine, ýarysyny-
da beýlekisine beriň» diýýär. 26 Emma
çagasy diri galan aýal: «Eý, jenabym,
çagany oňa beriň; ony asla öldürmäň!»
diýýär. Çünki ol aýalyň öz ogluna rehi-
mi indi. Ýöne beýleki aýal: «Ol meniňki
hem bolmasyn, seniňki hem bolmasyn,
ony ikä bölüň» diýýär. 27 Onsoň patyşa:
«Diri galan çagany birinji aýala beriň, ony
asla öldürmäň, ol onuň ejesidir» diýýär.
28 Patyşanyň çykaran hökümini bütin ys-
raýyl halky eşidip, oňa uly hormat goýdy.
Paýhasly höküm çykarar ýaly Süleýman
patyşada Hudaýyň pähim-paýhasynyň
bardygyny halk gördi.

## 4-nji bap

### *Süleýmanyň emeldarlary*

1 Süleýman patyşa bütin Ysraýylyň üs-
tünden şalyk sürdi. 2 Onuň ýanyndaky
emeldarlar şulardy: Sadogyň ogly Azarýa
ruhanydy, 3 Şişanyň ogullary Elihorep
bilen Ahyýa kätiplerdi, Ahyludyň ogly
Ýehoşapat baş emeldardy. 4 Ýehoýada-
nyň ogly Benaýa goşunbaşydy, Sadok
bilen Abýatar ruhanylardy. 5 Natanyň ogly
Azarýa häkimleriň üstünden garaýardy;
Natanyň ogly Zabut bolsa hem ruhany,
hem patyşanyň ýaranydy. 6 Ahyşar köşgüň
baştutandy; Abdanyň ogly Adonyram bol-
sa mejbury işdäkileriň üstünden garaýardy.
7 Bütin Ysraýylda Süleýmanyň on iki
sany häkimi bardy. Olaryň hersi patyşany
we onuň öý-içerisini, gezekli-gezegine,
ýylda bir aý azyk bilen üpjün etmelidi.
8 Olaryň atlary şulardy: Efraýym daglyk
ýurdunda Benhur, 9 Makasda, Şagalbym-
da, Beýtşemeşde we Eýlonbeýthananda
Bendeker, 10 Arubot ülkesinde Benheset
(Soko bilen bütin Heper ýurtlary hem oňa
degişlidi), 11 bütin Napatdor ülkesinde Be-
nabynadap (ol Süleýmanyň gyzy Tapata
öýlenipdi), 12 Tagnak, Megido ülkele-
rinde, Ýizregeliň etegindäki Saretanyň
ýanyndaky bütin Beýtşeýan ülkesinde,
Beýtşeýandan Abelmehola, Ýokmyga-
myň aňyrsyna çenli bolan aralykdaky
ülkede Ahyludyň ogly Bagana, 13 Ramot-
gilgat ülkesinde Bengeber (Bengeberde
Manaşanyň ogly Ýaýyryň Gilgatdaky
obalary bardy. Başandaky Argop etra-

bynda berk diwarly, derwezeleri bürünç
gözenekli altmyş sany uly gala hem
oňa degişlidi), 14 Mahanaýym ülkesinde
Ydonyň ogly Ahynadap, 15 Naftaly ülke-
sinde Ahymagas (ol Süleýmanyň gyzy
Bosmata öýlenipdi), 16 Aşer we Begalot
ülkelerinde Huşaýyň ogly Bagana, 17 Ysa-
kar ülkesinde Paruwanyň ogly Ýehoşapat,
18 Benýamin ülkesinde Elanyň ogly Şimgi,
19 amorlar patyşasy Sihon hem-de Başan
patyşasy Oguň ýurdy bolan Gilgatda
Urynyň ogly Geber. Ol bu ýeriň häkimidi.

### *Süleýmanyň patyşalygy*

20 Ýahuda halky bilen ysraýyl hal-
ky deňiz ýakasyndaky çäge deý köpdi.
Olar iýip-içip, hoşbagtlylykda ýaşadylar.
21 Süleýman Ýewfrat derýasyndan pilişt-
liler ýurduna we Müsür serhedine çenli
bolan bütin ýurda patyşalyk etdi. Olar
Süleýmanyň ömrüniň ahyryna çenli oňa
salgyt töläp, hyzmat etdiler.
22-23 Süleýmanyň köşgüniň bir gün-
lük azygy, iki ýüz ýigrimi bäş batman [a]
ýokary hilli undan, dört ýüz elli bat-
man [b] adaty undan, on sany baga bakylan
öküzden, ýigrimi sany ýaýlada bakylan
öküzden, ýüz sany goýundan, ondan
daşary-da sugunlardan, jerenlerden,
saýgaklardan hem-de semiz guşlardan
ybaratdy. 24 Çünki ol Ýewfrat derýasy-
nyň günbataryndaky ähli welaýatlarda,
Tipsadan Gaza çenli bolan aralykdaky
Ýewfrat derýasynyň günbataryndaky
ähli patyşalaryň üstünden höküm sürýär-
di. Ol töweregindäki goňşy ýurtlarynyň
ählisi bilen asudalykda ýaşady. 25 Süleý-
manyň bütin ömrüne Dandan Beýerşeba
çenli aralykdaky tutuş Ýahudadaky we
Ysraýyldaky her bir adam üzüm we in-
jir agaçlarynyň aşagynda asudalykda
ýaşady. 26 Şeýle hem Süleýmanyň sö-
weş arabalaryna goşulýan atlary üçin
kyrk müň sany at ýatagy, on iki müň
atlysy bardy. 27 Şol häkimleriň her biri
Süleýman patyşany we onuň saçagyndan
iýmitlenýänleriň baryny, öz bellenen aý-
larynda azyk bilen üpjün edýärdi. Olaryň
hiç bir zady kemlik etmezdi. 28 Olaryň
hersi özüne tabşyrylyşyna görä, ýönekeý
we saýlama atlar üçin olaryň saklanýan
ýerine arpa we saman getirerdi.
29 Hudaý Süleýmana deňiz kenaryn-
daky çäge deý uçursyz akyl-paýhas,
duýgurlyk hem-de düşünjelilik berdi.
30 Süleýman pähim-paýhasynda bütin
gündogarlylardan, bütin müsürlilerden
öňe geçdi. 31 Çünki onuň pähim-paýhasy,
islendik adamyňkydan, ezraly Eýtanyň-
kydan, Maholyň ogullary Heýmandyr
Kalkolyňkydan we Dardanyňkydan-da
ýitidi. Töweregindäki ähli milletleriň ara-
synda onuň ady meşhurdy. 32 Süleýman
üç müň tymsal aýtdy; onuň nagmalary
bolsa müňden agdykdy. 33 Ol Liwandaky
kedr agajyndan başlap diwaryň ýüzün-
de gögerýän käkilik otuna çenli bolan
agaçlardan söz açardy, haýwanlar, guşlar,
süýrenijiler we balyklar barada sözlärdi.
34 Süleýmanyň pähim-paýhasy hakynda
eşiden ýer ýüzündäki ähli patyşalar Sü-
leýmany diňlemäge adam ýolladylar.

## 5-nji bap

### *Süleýman ybadathanany gurmaga taýýarlyk görýär*
*(2 Ýyl ýazgylary 2:1-18)*

1 Sur patyşasy Hiram Süleýma-
nyň kakasynyň ornuna patyşalyga

[a] **4:22-23** ***Iki ýüz ýigrimi bäş batman*** – ýewreýçe *otuz kor*. Bu takm. 4,5 tonna deňdir.
[b] **4:22-23** ***Dört ýüz elli batman*** – ýewreýçe *altmyş kor*. Bu takm. 9 tonna deňdir.

bellenendigini eşiden badyna, öz emel-
darlaryny Süleýmanyň ýanyna iberdi;
çünki Hiram Dawudyň hemişelik ýarany
bolupdy. 2 Süleýman hem Hirama adam
iberip, şeýle diýdi: 3 «Özüň bilýärsiň,
kakam Dawut töweregindäki uruşlar
zerarly, duşmanlaryndan doly üstün çyk-
ýança, öz Hudaýy Rebbe ybadat öýüni
gurup bilmedi. 4 Ýöne häzir Hudaýym
Reb maňa hemme tarapdan parahatçylyk
berdi; mende ne ýagy, ne-de betbagtçy-
lyk bar. 5 Şeýdip, Rebbiň kakam Dawuda:
„Seniň ýeriňe tagtyňda oturtjak ogluň
Maňa ybadat üçin öý gurar“ diýip aý-
dyşy ýaly, men Hudaýym Rebbe ybadat
üçin öý guraýyn diýýärin. 6 Şoňa görä
meniň üçin Liwanda kedr agaçlarynyň
kesilmegini tabşyr. Meniň işçilerim se-
niň işçileriň bilen bile işlärler. Işçileriňe
näçe diýseň, şonça-da hak töläýin; çünki
özüň bilýärsiň, biziň aramyzda sidon-
lylar ýaly agaç kesip bilýän adam ýok».

7 Hiram Süleýmanyň sözlerini eşi-
dende, gaty şatlanyp: «Bu uly halkyň
üstünden patyşalyk eder ýaly, Dawuda
şeýle akyl-paýhasly ogul beren Rebbe
bu gün alkyş bolsun» diýdi. 8 Hiram
Süleýmana adam iberip: «Seniň maňa
iberen sargydyňy eşitdim; men seniň
kedr hem-de serwi agajy baradaky isleg-
leriňi bitirerin. 9 Meniň işçilerim agaçlary
Liwandan deňze getirerler. Men olary
bogduryp, deňiz üsti bilen akdyrdyp,
aýdan ýeriňe eltdirip, şol ýerde çözdüre-
rin. Sen gelip, olary äkidersiň. Sen hem
meniň islegimi ýerine ýetirip, köşgüm-
däkileri azyk bilen üpjün et». 10 Şeýdip,
Hiram Süleýmany kedr hem-de serwi
agaçlary bilen üpjün etdi. 11 Süleýman
bolsa Hirama onuň köşgündäkiler üçin
azyk hökmünde kyrk müň çuwal [a] bug-
daý, ýedi müň hum [b] sap ýag berdi.
Süleýman Hirama her ýyl şunça azyk
bererdi. 12 Reb wada berşi ýaly, Süleý-
mana pähim-paýhas berdi. Hiram bilen
Süleýmanyň arasynda asudalyk boldy.
Olar öz aralarynda ylalaşyk baglaşdylar.

13 Süleýman patyşa ybadathananyň
gurluşygy üçin bütin Ysraýyldan otuz
müň işçini toplamagy buýurdy. 14 Olar-
dan nobatma-nobat boýunça her aýda on
müň adamy Liwana ýollady. Olar bir aý
Liwanda, iki aý hem öýlerinde bolardylar.
Adonyram bu mejbury işdäkileriň üs-
tünden garaýardy. 15 Süleýmanyň dagda
ýetmiş müň sany ýük daşaýany, segsen
müň sany daş ýonujysy bardy. 16 Mundan
daşary Süleýmanyň işleýän adamlary-
nyň üstünden garaýan üç müň üç ýüz
sany baştutany bardy. 17 Olar patyşa-
nyň tabşyrygy boýunça Rebbiň öýüniň
düýbüni tutmak üçin, uly gymmatbaha
daşlar we ýonulan daşlar getirdiler. 18 Sü-
leýmanyň binýatçylary bilen Hiramyň
binýatçylary we geballylar Rebbiň öýüni
gurmak üçin, daşlary ýonup, agaçlary
kesip taýýarladylar.

## 6-njy bap

***Süleýman ybadathanany gurýar***
*(2 Ýyl ýazgylary 3:1-14)*

1 Ysraýyllaryň Müsürden çykyp gaýt-
magynyň dört ýüz segseninji ýylynda,
Süleýmanyň patyşalygynyň dördünji
ýylynda, ikinji aý bolan Ziw aýynda
Rebbiň öýi gurlup başlandy. 2 Süleý-
man patyşanyň Reb üçin guran öýüniň

[a] **5:11** ***Kyrk müň çuwal*** – ýewreýçe *ýigrimi müň kor.* Bu takm. 3000 tonna deňdir.
[b] **5:11** ***Ýedi müň hum*** – ýewreýçe *ýigrimi müň bat.* Bu takm. 440000 litre deňdir. Bu jümle käbir golýazmalarda *ýigrimi kor* (takm. 4000 litr) diýip duş gelýär.

uzynlygy altmyş tirsek, ini ýigrimi tir-
sek, beýikligi otuz tirsekdi. 3 Rebbiň
öýüniň daşky otagynyň öňündäki eýwa-
nynyň ini öýüň ini ýaly ýigrimi tirsekdi,
uzynlygy öýüň öň tarapynda on tirsekdi.
4 Ol Rebbiň öýüne gözenekli penjireler
etdi. 5 Süleýman Rebbiň öýüniň daşky
we içki otaglaryň, daşky diwarlaryna
ýanaşdyryp, gapdal otaglaryny saldy.
6 Pürsler öýüň diwaryny deşmez ýaly,
öýüň diwarynyň ýüzünden daş çykgyt-
lar etdiler. Aşaky gatyň ini bäş tirsek,
ortaky gatyň ini alty tirsek, üçünji gatyň
ini ýedi tirsekdi.

7 Rebbiň öýi gurlanda öňden ýonulyp
taýýarlanan daşlardan guruldy. Şol se-
bäpden öý gurulýarka ondan ne çekiç, ne
palta, ne-de demir guralyň sesi eşidildi.

8 Ortaky gatyň gapysy Rebbiň öýüniň
günorta tarapyndady; aýlawly basgan-
çaklar bilen ortaky gata, ortaky gatdan
üçünji gata çykyp bolýardy. 9 Şeýdip,
Süleýman Rebbiň öýüniň gurluşygy-
ny tamamlady. Ol öýüň üçegini kedr
pürsleri we kedr tagtalary bilen basyr-
dy. 10 Tutuş öýe ýanaşdyrylyp salnan
otaglaryň her gatynyň beýikligi bäş
tirsekdi. Ol otaglar öýe kedr pürsleri
bilen birikdirildi.

11-12 Süleýmana gurup ýören öýi hakyn-
da Rebbiň şu sözi aýan boldy: «Eger sen
Meniň parzlarymy berjaý edip, hüküm-
lerime boýun bolup, ähli tabşyryklarymy
saklap, olary berjaý etseň, Men kakaň
Dawuda beren wadamy seniň üstüň bi-
len ýerine ýetirerin. 13 Men ysraýyllaryň
arasynda ýaşap, Öz halkym ysraýyly
terk etmerin».

14 Şeýdip, Süleýman Rebbiň öýüni gu-
rup gutardy. 15 Ol öýüň içki diwarlarynyň
ýüzüne düýbünden üçegine çenli kedr
tagtalaryny tutdy we öýüň poluny serwi
agajyndan etdi. 16 Ol öýüň arka tarapynda,
düýbünden depesine çenli kedr agaçla-
ryndan beýikligi ýigrimi tirsek bolan
diwar bina etdi. Ol muny iň mukaddes
otag bolan içki otag hökmünde gurdy.
17 Içki otagyň öňündäki daşky otagyň
uzynlygy kyrk tirsekdi. 18 Öýüň içi kedr
tagtasyndan kesilip, kädä hem-de açylyp
oturan güllere çalym edýän nagyşlar
bilen haşamlanandy. Diwardaky daş-
lar görünmez ýaly, diwar tutuşlygyna
kedr tagtasy bilen örtülendi. 19 Ol öýüň
töründe Rebbiň Äht sandygyny goýar
ýaly içki otag taýýarlady. 20 Içki otagyň
uzynlygy-da, ini-de, boýy-da ýigrimi
tirsekdi, oňa sap altyn çaýylandy. Ol
şeýle hem kedr agajyndan ýasalan sy-
pa-da altyn çaýdy. 21 Süleýman Rebbiň
öýüniň içini sap altyn bilen örtdi; içki
otagyň öňünden altyn zynjyrlar gerip,
ony-da altyna gaplady.

### *Ybadathana bezelýär*

22 Soňra ol tutuş öýi kemsiz-köstsüz
bolar ýaly, ony tutuşlygyna altyna gap-
lady. Hatda içki otagyň öňünde duran
sypa hem altyn çaýdy.

23 Ol içki otagda her biriniň boýy on
tirsek bolan zeýtun agajyndan iki sany
kerup[a] ýasady. 24 Keruplaryň ikisiniň
hem ganatynyň uzynlygy bäş tirsekdi.
25 Olaryň hersiniň ganaty, ganatynyň
bir ujundan beýleki ganatynyň ujuna
çenli on tirsekdi. Keruplaryň ikisiniň
ölçegi-de, şekili-de birdi. 26 Kerupla-
ryň ikisiniň-de beýikligi on tirsekdi.
27 Süleýman keruplary Rebbiň öýüniň
içki otagynda goýdy. Olaryň ganatlary,
biriniň ganaty diwaryň bir tarapyna, beý-
lekisiniň ganaty diwaryň eýleki tarapyna

[a] **6:23** ***Kerup*** – perişdeleriň bir görnüşi. Sözlüge seret.

ýeter ýaly gerlip goýlandy. Keruplaryň
beýleki ganatlary öýüň ortasyna tarap
gerlip durdy. 28 Süleýman keruplara hem
altyn çaýdy.

29 Tutuş öýüň diwarlary, içki we daşky
otaglaryň diwarlarynyň ýüzi oýulyp,
keruplar, palma agaçlary we açylan
güller bilen haşamlanandy. 30 Ol öýüň
içki we daşky otaglarynyň poluna hem
altyn çaýdy.

31 Süleýman içki otaga zeýtun aga-
jyndan gapylar ýasady. Gapylaryň
germewleri we söýeleri bäş burçlydy.
32 Zeýtun agajyndan ýasalan iki gapynyň
ýüzi oýulyp, keruplar, palma agaçlary
we açylan güller bilen haşamlanandy.
Süleýman olara altyn çaýdy, kerupla-
ryň we palma agaçlarynyň ýüzüne hem
altyn çaýdy.

33 Şeýle hem Süleýman öýüň daşky
otagynyň gapysyna zeýtun agajyndan
dörtburç söýeler ýasady. 34 Ol serwi aga-
jyndan iki taýly gapy etdi, onuň iki taýy
hem iki tarapa-da açylýardy. 35 Süleýman
gapylaryň ýüzi oýulyp, keruplar, palma
agaçlary bilen haşamlanan nagşyň üs-
tüne altyn çaýdy. 36 Ol üç hatar ýonulan
daş we bir hatar kedr pürsünden içki
howly gurdy.

37 Süleýmanyň patyşalygynyň dördünji
ýylynda, Ziw aýynda Rebbiň öýüniň
düýbi tutuldy. 38 Süleýmanyň patyşaly-
gynyň on birinji ýylynda, sekizinji aý
bolan Bul aýynda Rebbiň öýi meýilna-
ma görä dolulygyna gurlup gutaryldy.
Süleýmana öýi gurmak üçin ýedi ýyl
gerek boldy.

## 7-nji bap

### *Süleýmanyň köşgi*

1 Süleýman özüne-de köşk saldy. Ol
köşgi on üç ýylda gurup gutardy.
2 Ol «Liwan jeňňelli» atly köşk saldy.
Onuň uzynlygy ýüz tirsek, ini elli tirsek,
beýikligi otuz tirsek bolup, ol dört hatar
kedr sütünleriniň üstünde guruldy. Sütün-
leriň üstünde kedr pürsleri goýuldy. 3 Her
hatarda on bäş, jemi kyrk bäş sany pürs
sütünleriň üstünde goýuldy. Ol köşgüň
üçegi kedr tagtalary bilen basyryldy. 4 Li-
wan jeňňeli atly köşgüň biri-birine bakyp
duran üç hatar penjireleri bardy. 5 Ähli
gapylar we gapy söýeleri dört burçlydy.
Olar biri-birine gapma-garşy, üç hatardy.

6 Süleýman uzynlygy elli tirsek, ini
otuz tirsek bolan sütünler eýwanyny
gurdy. Onuň öňünde sütünler bilen di-
kilen, üsti basyrylan dalan bardy.

7 Soňra ol Tagt zalyny, ýagny höküm
çykarylýan ýer bolan Höküm zalyny
gurdy. Onuň diwarlary düýbünden depe-
sine çenli kedr tagtalary bilen örtülendi.

8 Süleýmanyň öz ýaşaýan öýi Tagt
zalynyň ýeňse tarapyndaky howluda
birmeňzeş gurluşda salnandy. Süleýman
öz aýaly bolan faraonyň gyzyna-da şu
zala meňzeş öý gurup berdi.

9 Bularyň barysy daşardan köşgüň
howlusyna, binýatdan çykyda çenli tutuş-
lygyna ölçege görä ýonulyp, ýargy bilen
iki tarapy-da tekizlenen gymmatbaha
daşlardan gurlandy. 10 Bina ýonulan daş-
lardan, uly daşlardan, sekiz, on tirseklik
daşlardan gurlandy. 11 Bina daşlarynyň üs-
tünden ölçege görä ýonulan gymmatbaha
daşlar we kedr tagtalary goýuldy. 12 Köş-
güň howlusynyň töweregindäki haýatlar
edil Rebbiň öýüniň içki howlusy we öýüň
eýwany ýaly üç hatar ýonulan daş we bir
hatar kedr tagtasy bilen örülendi.

### *Hirama berlen tabşyryk*
*(2 Ýyl ýazgylary 3:15–5:1)*

13 Süleýman patyşa adam iberip, sur-
ly Hiramy getirtdi. 14 Hiram Naftaly

tiresinden bolan bir dul hatynyň ogludy,
kakasy hem surly bürünç ussasydy. Ol
bürünçden zat ýasamakda gaty ussat,
ökde we tejribeli ussady. Ol Süleýman
patyşanyň çagyryşyny kabul etdi. Hi-
ram Süleýmanyň bürünçden ýasalmaly
zatlarynyň ählisini ýasady.
15 Hiram iki sany bürünç sütün ýasady.
Her sütüniň beýikligi on sekiz tirsek,
töweregi on iki tirsekdi. 16 Ol şeýle hem
sütünleriň depesinde goýmak üçin bü-
rünçden guýlan iki sany täç ýasady.
Her täjiň beýikligi bäş tirsekdi. 17 Sü-
tünleriň depesindäki täçler tor şekilli
örme zynjyrlar bilen bezelendi. 18 Ol her
sütüniň depesindäki täçleriň üstüni bü-
rär ýaly, her örme zynjyryň töweregine
bürünçden ýasalan iki hatar nar aýlady.
19 Eýwandaky sütünleriň depesindäki
täçler liliýa gülüniň şekilinde bolup, ola-
ryň beýikligi dört tirsekdi. 20 Täçler iki
sütüniň hem-de örme zynjyrlaryň ýokar-
syndaky tegelek güberçek ýerde goýuldy.
Her täjiň töweregine hatarlap, iki ýüz
nar aýlandy. 21 Ol sütünleri ybadatha-
nanyň eýwanynda dikdi. Ol günortada
sütün dikip, onuň adyna Ýakin dakdy.
Ol demirgazykda-da sütün dikip, onuň
adyna Bowaz dakdy. 22 Sütünleriň depe-
sinde liliýa şekilli nagyşlar bardy. Şeýdip,
sütünleriň işi tamamlanyldy.
23 Soňra ol bir gyrasyndan beýleki
gyrasyna çenli on tirsek, beýikligini
bäş tirsek edip, guýma bürünçden tege-
lek howuz ýasady. Onuň töweregi otuz
tirsekdi. 24 Howzuň erňeginiň aşagynda
daşyna aýlanan, hersi on tirsek bolan iki
hatar öküz şekilli guýma nagyşlar bardy.
Olar howuz bilen bile guýlup ýasalandy.
25 Howuz on iki öküziň üstünde durdy;
öküzleriň üçüsi demirgazyga, üçüsi
günbatara, üçüsi günorta, galan üçüsi
hem gündogara bakyp durdy. Howuz
olaryň üstünde ýerleşdirilip, öküzleriň
arkasy iç tarapa bakyp durdy. 26 Howzuň
galyňlygy dört barmakdy, erňegi kä-
säniň erňegi ýaly açylan liliýa gülüniň
şekilindedi. Ol ýedi ýüz hum [a] tutýardy.
27 Ol on sany bürünç araba ýasady. Ara-
balaryň hersiniň uzynlygy, ini dört tirsek,
beýikligi üç tirsekdi. 28-29 Arabalaryň
şekili şunuň ýaly: daşy çarçuwalanan,
dört gyraňly tagtalar ýasalyp, olara
ýolbarslaryň, öküzleriň we keruplaryň
şekilleri haşamlanypdyr. Ýolbarslaryň
we öküzleriň ýokarsyndaky we aşa-
gyndaky çarçuwalara, egrem-bugram
şekilli nagyşlar haşamlanyp salnandy.
30 Her arabanyň dört bürünç tigri, bü-
rünç oklary bardy; dört burçunda hem
legeni saklamak üçin çykytlar bardy;
çykytlaryň her gapdalyna egrem-bugram
şekilli nagyşlar haşamlanyp salnandy.
31 Her arabanyň ýokarsynda çarçuwa-
jyga salnan tegelek agyz ýasaldy. Onuň
beýikligi bir tirsekdi; onuň agzy tege-
lek bolup, ini bir ýarym tirsekdi; onuň
agzynda haşamlar bardy, gapdallary
tegelek däl-de dörtburçlydy. 32 Dört tigir
gapdal tagtalaryň aşagyndady, tigir-
leriň oklary araba bilen bile guýlup
ýasalandy. Tigriň beýikligi bir ýarym
tirsekdi. 33 Tigirleriň ýasalyşy at arabala-
ryň tigirleriniň ýasalyşy ýalydy; olaryň
oklarynyň, gurşawlarynyň, keýeleriniň,
toplarynyň bary bile guýlup ýasalandy.
34 Her arabanyň dört burçunda dört çykyt
bardy. Çykytlar araba bilen bile guýlup
ýasalandy. 35 Arabanyň üstünde ýarym
tirsek beýiklikdäki tagta sekisi bardy;
arabanyň üstündäki tutawaçlar hem-de
gapdal tagtalary araba bilen bile guýlup

[a] **7:26** ***Ýedi ýüz hum*** – ýewreýçe *iki müň bat.* Bu takm. 44000 litre deňdir.

ýasalandy. 36Onuň çykytlarynyň hem-de
gapdal ýüzüniň açyk ýerlerine haşam-
lanan keruplaryň, arslanlaryň hem-de
palma agajynyň nagşy salnandy. Olaryň
daşyna egrem-bugram şekiller haşamla-
nyp salnandy. 37Ine, Hiram on arabany
şeýle ýasady. Olaryň barynyň guýluşy
hem, ölçegi hem, şekili hem birdi.

38Şeýle hem Hiram on sany bürünç
legen ýasady. Her legen on bäş hum[a]
tutýardy; her legen dört tirsekdi; on ara-
banyň hersiniň üstünde bir legen bardy.
39Ol arabalaryň bäşisini Rebbiň öýüniň
günortasynda, beýleki bäşisini-de öýüň
demirgazygynda goýdy. Ol howzy öýüň
günorta-gündogar burçunda goýdy.

40-44Hiram şeýle hem gazanlar, kül
atarlar, legenler ýasady. Bulardan başga-
da, ol iki sütüni, sütünleriň depesindäki
jam şekilli iki täji, şol täçleri bezäp
duran iki sany örme zynjyry, şol zyn-
jyrlara iki hatar edip dakmak üçin dört
ýüz sany nary, on arabany, arabalaryň
üstündäki on legeni, bir sany howzy
hem-de howzuň astyndaky on iki öküzi
ýasady. Şeýdip, Hiram Rebbiň öýünde
Süleýman patyşa üçin etmeli işleriniň
baryny tamamlady.

45Gazanlar, kül atarlar, legenler we
Hiramyň Rebbiň öýi üçin Süleýman
patyşa ýasap beren gaplarynyň bary
ýalpyldawuk bürünçdendi. 46Patyşa bu
gaplary Iordanyň düzlüginde, Sukot bi-
len Saretanyň arasyndaky toýun toprakly
ýerde bürünçden guýdurdy. 47Süleýman
bu bürünç gap-gaçlarynyň agramyny
çekdirmedi, çünki olar juda köpdi; ola-
ryň agramyny hiç kim anyklamady.

48Şeýdip, Süleýman Rebbiň öýündäki
ähli enjamlary: altyndan edilen sypany,
üstünde Rebbe hödür çöregi goýulýan
altyn hantagtasyny, 49-50içki otagyň
öňünde bäşisi günortada, bäşisi demir-
gazykda goýlan sap altyn çyradanlary,
gülleri, çyralary, ätişgirleri, käseleri,
müçenekleri, legenleri, ýakymly ysly
tütetgi ýakmak üçin ulanylýan gaplary,
maňňallary, öýüň içki otagynyň, ýagny
iň mukaddes otagyň hem-de öýüň mu-
kaddes otagynyň gapylary üçin altyn
petleleri ýasady.

51Şeýdip, Süleýman patyşanyň Rebbiň
öýi üçin edilmeli ähli işleri tamamlandy.
Süleýman kakasy Dawut tarapyndan
öýe bagyş edilen ähli zatlary: kümşi,
altyny, we ähli enjamlary getirip, Reb-
biň öýündäki hazynada goýdy.

## 8-nji bap

### *Süleýman Äht sandygyny ybadathana getirdýär*
*(2 Ýyl ýazgylary 5:2–6:2)*

1Onsoň Süleýman Rebbiň Äht san-
dygyny Dawut galasy bolan Sion
galasyndan getirtmek üçin, Ysraýylyň
ýaşulularyny, ähli tirebaşylaryny, ysra-
ýyllaryň urugbaşylaryny Iýerusalime,
öz huzuryna ýygnady. 2Bütin ysraýyl
halky ýedinji aý bolan Etanym aýynda,
Çatma baýramynda Süleýman patyşanyň
ýanyna ýygnanyşdy. 3Bütin Ysraýylyň
ýaşululary geldiler we ruhanylar san-
dygy göterdiler. 4Şeýdip, olar Rebbiň
Äht sandygyny, Rebbe ýüz tutulýan
çadyry hem-de çadyryň içindäki ähli
mukaddes enjamlary getirdiler. Bularyň
baryny ruhanylar bilen lewiler Rebbiň
öýüne getirdiler. 5Süleýman patyşa we
onuň huzuryna ýygnanan bütin ysra-
ýyl halky Äht sandygynyň öňündedi.
Olar san-sajaksyz goýunlary, öküzleri

[a] **7:38** ***On bäş hum*** – ýewreýçe *kyrk bat*. Bu takm. 880 litre deňdir.

gurbanlyk berdiler. 6 Soňra ruhanylar
Rebbiň Äht sandygyny öz ýerine, Rebbiň
öýüniň iň mukaddes otagyna, kerupla-
ryň ganatlarynyň astyna getirip goýdular.
7 Keruplar ganatlaryny sandygyň üstüne
gerip, sandygyň-da, onuň syryklary-
nyň-da üstüni örtýärdi. 8 Syryklar şeýle
uzyndy welin, hatda olaryň uçlary iň
mukaddes otagyň öňündäki mukaddes
ýerdenem görnüp durdy, ýöne daşardan
görünmeýärdi. Olar şu güne çenli hem
şol ýerdedir. 9 Sandygyň içinde Musa-
nyň goýan iki sany kanun ýazylan daş
böleginden başga hiç zat ýokdy; Musa
bu iki daş bölegini ysraýyl halky Mü-
sür ýurdundan çykandan soň, Rebbiň
olar bilen äht eden ýeri bolan Horep [a]
dagynda sandyga salypdy. 10 Ruhanylar
mukaddes otagdan daşary çykanlarynda,
Rebbiň öýi bulutdan doldy. 11 Ruhanylar
bulut zerarly Rebbiň huzurynda hyzmata
durup bilmediler, çünki Rebbiň şöhraty
Hudaýyň öýüni doldurypdy.
12 Şonda Süleýman şeýle diýdi: «Reb
tüm garaňkylykda mesgen tutjakdygyny
aýtdy. 13 Men Saňa baky mesgen tutaryň
ýaly, uçursyz gözel öý gurdum».

### *Süleýman halka ýüzlenýär*
*(2 Ýyl ýazgylary 6:3-11)*

14 Onsoň patyşa halka tarap öwrülip,
bütin ysraýyl jemagatyna ak pata ber-
di. Bütin ysraýyl jemagaty dik durdy.
15-16 Süleýman şeýle diýdi: «Kakam Da-
wuda: „Men ysraýyl halkymy Müsürden
çykaralym bäri, Maňa ybadat etmäge
öý gurmaklary üçin ysraýyl tirelerin-
den ýekeje şäheri-de saýlamadym. Men
ysraýyl halkyma şalyk etsin diýip, Da-
wudy patyşalyga saýladym“ diýip beren
wadasyny berjaý eden Ysraýyl Hudaýy
Rebbe alkyş bolsun! 17 Kakam Dawut
Ysraýyl Hudaýy Rebbe ybadat üçin öý
gurmagy ýüregine düwüpdi. 18-19 Emma
Reb kakam Dawuda: „Maňa ybadat
üçin öý gurmagy ýüregiňe düwmek
bilen sen gowy etdiň; ýöne şeýle-de
bolsa öýi sen gurmarsyň. Seniň biliňden
önen ogluň Maňa ybadat üçin öý gurar“
diýdi. 20 Ine, Hudaý Öz beren wadasyny
berjaý etdi, çünki men kakam Dawu-
dyň ýerine geçdim. Rebbiň wada berşi
ýaly, men Ysraýylyň tagtynda otyryn.
Ysraýyl Hudaýy Rebbe ybadat üçin öý
gurdum. 21 Sandygy men şol öýde goý-
dum. Atalarymyzy Müsür topragyndan
çykaranda, Rebbiň olar bilen eden ähti
şonuň içindedir».

### *Süleýmanyň dilegi*
*(2 Ýyl ýazgylary 6:12-42)*

22 Soňra Süleýman Rebbiň gurbanlyk
sypasynyň hem bütin ysraýyl halkynyň
öňünde durup, ellerini göge tarap uzatdy:
23 «Eý, Ysraýyl Hudaýy Reb, ýerde-de,
gökde-de Seniň ýaly Hudaý ýokdur!
Bütin kalplary bilen ýoluňdan ýöreýän
gullaryň üçin Sen ähtiňi, sadyk söýgi-
ňi saklaýarsyň. 24 Sen Öz guluň kakam
Dawuda beren wadaňy berjaý etdiň. Şu
gün Seniň ähli aýdan sözleriň amala aşdy.
25 Şonuň üçin hem, eý, Ysraýyl Hudaýy
Reb, guluň kakam Dawuda: „Eger seniň
ogullaryň seniň ýöreýşiň ýaly, Meniň
hakykat ýolumdan ýöreseler, seniň nes-
liňden hiç bir adam Ysraýylyň tagtyndan
aýrylmaz“ diýip beren wadaňy berjaý et.
26 Şonuň üçin hem, eý, Ysraýylyň Hudaýy,
goý, Seniň guluň kakam Dawuda beren
wadaň amala aşsyn!
27 Emma Hudaý ýerde mesgen tutar-
my? Seni hatda gök-de, gökleriň gögi-de

[a] **8:9** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

içine sygdyryp bilmeýär. Onsoň meniň
bu salan öýüm dagy nämejik! 28 Ýöne
şonda-da, ýa Beýik Hudaýym, Sen gu-
luň dilegine hem-de ýalbaryşyna gulak
sal-da, onuň bu gün ýürekden edýän
ýalbaryşyny we dilegini kabul et. 29 Göz-
leriň gije-gündiz: „Maňa şu ýerde ybadat
ediler“ diýen öýüňde bolsun. Guluňyň
şu ýere tarap bakyp edýän dilegini eşit.
30 Öz ysraýyl halkyň we men guluň şu
ýere tarap bakyp dileg edenimizde, gu-
luňyň, halkyň Ysraýylyň ýalbaryşlaryny
eşit. Öz gökdäki mesgeniňden eşit-de,
bizi bagyşla.

31 Bir adam başga bir adama garşy
günä edip, ant içmäge mejbur edilse, ol
gelip, şu öýde Seniň gurbanlyk sypaňyň
öňünde günäsizdigine ant içse, 32 şonda
Sen gökde eşit-de, oňa jogap ber. Gulla-
ryňa höküm edip, günälä günäsine görä
jeza ber, günäsizi akla-da, dogrulygyna
görä syla.

33 Seniň halkyň Ysraýyl Saňa garşy
günä edenligi zerarly duşman öňünde
ýeňlişe sezewar bolanda, täzeden Saňa
ýüz tutup, Seniň adyňy ykrar etse, şu
öýde Saňa dileg edip, ýalbarsa, 34 şonda
Sen gökde eşit-de, halkyň Ysraýylyň gü-
näsini geçip, olary yzlaryna, atalaryna
beren ýurduňa getir.

35 Saňa garşy günä edendikleri zerarly
gök ýapylyp, ýagmyr ýagmadyk maha-
ly, olar şu ýere tarap bakyp, dileg edip,
Seniň adyňy ykrar etseler, Seniň hasrat
çekdirenleriň hem öz günäleri üçin toba
gelseler, 36 şonda Sen gökde eşit-de, Öz
gullaryň bolan ysraýyl halkynyň günä-
sini geçip, olara dogry ýoldan ýöremegi
öwret. Öz halkyňa miras hökmünde
beren ýurduňa ýagmyr ýagdyr.

37 Eger ýurtda açlyk ýa gyrgyn keseli
bolsa, epgek, ygaldan çüýremeklik, çe-
kirtge ýa-da gurçuk peýda bolsa, eger
duşmanlary öz islendik galalarynda
olara sütem etseler, nähili bela, nähili
kesel bolsa-da, 38 islendik adam ýa-da
ysraýyl halky tarapyndan nähili dilegdir
ýalbaryş edilen bolsa, her kes öz ýürek
derdini bilip, şu öýe tarap ellerini ger-
se, 39 şonda Sen gökde Öz mesgeniňde
eşit-de, olary bagyşla we olara ýardam
et. Her kese eden işine görä jogap ber,
çünki her ynsanyň ýüregini diňe Sen
bilýänsiň. 40 Şeýdip, olar Seniň atalary-
myza beren ýurduňda ömürboýy Senden
gorkup ýaşasynlar.

41-42 Halkyň Ysraýyldan bolmadyk, ýö-
ne Seniň beýik adyň, gudratyň hem-de
Öz halkyň üçin eden beýik işleriň ba-
rada eşidip, uzak ýurtdan gelen keseki
şu öýde dileg etse, 43 Sen Öz gökdäki
mesgeniňde ony eşit-de, dünýäniň ähli
halklarynyň ysraýyl halky ýaly Seniň
adyňy bilip, Senden gorkup, Saňa ybadat
üçin guran öýümi bilerleri ýaly, keseki-
niň dilegine-de jogap ber.

44 Eger halkyň Seniň iberen ýoluň bilen
duşmanyna garşy söweşe çykyp, Seniň
saýlan şäheriňe, meniň Saňa ybadat üçin
guran öýüme tarap bakyp, Sen-Rebbe
dileg etse, 45 gökde olaryň dileglerini,
ýalbaryşlaryny eşidip, olara duşman-
larynyň üstünden ýeňiş ber.

46 Olar Saňa garşy günä etseler, – günä
etmeýän adam ýokdur – Sen gazaplanyp,
olary duşman eline berseň, duşman olary
ýesir edip, ýakynu-uzak ýurda äkitse,
47 olar hem ýesirlige äkidilen ýurtlaryn-
da oýlanyp toba edip, ýalbaryp: „Biz
nähaklyk edip, günä gazandyk, pislik
etdik“ diýip, 48 özlerini ýesir alan duş-
manlarynyň ýurdunda päk kalplary we
jan-tenleri bilen Saňa ýüzlenip, atalary-
na beren ýurduňa, Öz saýlan şäheriňe,
Saňa ybadat üçin guran öýüme tarap
bakyp, dileg etseler, 49 şonda Sen Öz

gökdäki mesgeniňde olaryň dileglerini,
nalyşlaryny eşit-de, olaryň dadyna ýetiş.
50 Saňa garşy günä eden halkyňy hem-de
olaryň Saňa garşy eden ýazyklaryny ba-
gyşla, ýesir alanlaryň olara rehimdarlyk
ederleri ýaly, Sen Öz halkyňa duşman-
larynyň gözüniň öňünde rehimdarlyk
et. 51 Çünki olar Seniň demir peç kimin
lowlaýan Müsürden çykaran halkyňdyr,
Seniň mirasyňdyr. 52 Öz guluň hem-de
halkyň Ysraýyl islendik wagt Seni ça-
gyranlarynda, Sen olaryň nalyşlaryny
eşit. Goý, gözleriň olarda bolsun. 53 Eý,
Hökmürowan Reb, Sen atalarymyzy
Müsürden çykaranyňda, guluň Musa
arkaly aýdyşyň ýaly, Özüňe mirasdar
etmek üçin dünýäniň ähli halklarynyň
arasyndan ysraýyl halkyny Öz halkyň
hökmünde saýladyň».

### *Süleýman dilegini soňlaýar*

54 Süleýman Hudaýa dilegini, ýal-
baryşyny tamamlandan soň, Rebbiň
gurbanlyk sypasynyň öňünde ellerini
göge gerip, dyza çöken ýerinden turdy.
55 Süleýman dik durup, bütin ysraýyl
halkyna batly ses bilen pata berip, şeýle
diýdi: 56 «Wada berşi ýaly, ysraýyl hal-
kyna parahatçylyk beren Rebbe alkyş
bolsun. Ol Öz guly Musa arkaly beren
ýagşy wadalarynyň baryny berjaý etdi.
57 Hudaýymyz Reb biziň atalarymyz
bilen bolşy ýaly, biziň bilenem bolsun,
bizi hiç haçan taşlamasyn, terk etme-
sin. 58 Onuň ýollaryndan ýörärimiz ýaly,
Onuň atalarymyza beren tabşyryklaryny,
parzlaryny hem-de hökümlerini ber-
jaý ederimiz ýaly, biziň ýüreklerimizi
Özüne tarap öwürsin. 59-60 Goý, meniň
Rebbiň öňünde dile getiren sözlerim
Beýik Hudaýa gije-gündiz ýakyn bolsun.
Beýik Hudaý dünýäniň ähli halklarynyň
Rebbiň Hudaýdygyny, Ondan başga
Hudaýyň ýokdugyny bilerleri ýaly, Reb
Öz guluny, ysraýyl halkyny gündelik
zerur zatlar bilen üpjün etsin. 61 Şonuň
üçin hem siz Onuň parzlaryna boýun
bolup, Onuň tabşyryklaryny şu günki
ýaly berjaý edip, Beýik Hudaýymyza
ak ýürekden hyzmat ediň».

### *Ybadathana Rebbe bagyş edilýär*

62 Onsoň patyşa we onuň ýanyndaky
bütin ysraýyl halky Rebbiň huzurynda
gurbanlyk berdiler. 63 Süleýman Rebbe
salamatlyk gurbanlygy hökmünde ýig-
rimi iki müň öküz, bir ýüz ýigrimi müň
goýun berdi. Şeýdip, patyşa we bütin
ysraýyl halky Rebbiň öýüniň açylyş
dabarasyny etdiler. 64 Şol günüň özünde
Süleýman patyşa Rebbiň öýüniň öňün-
däki howlynyň ortasyny mukaddes etdi.
Patyşa şol ýerde ýakma gurbanlyklaryny,
galla sadakasyny we salamatlyk gur-
banlyklarynyň ýaglaryny berdi, çünki
Rebbiň huzuryndaky bürünç gurbanlyk
sypasy ýakma gurbanlygyny, galla sada-
kasyny, salamatlyk gurbanlygynyň ýag
böleklerini tutardan gaty kiçidi.
65 Şeýdip, Süleýman we bütin ysraýyl
halky – uly mähelle Lebohamatdan
Müsür serhedine çenli bolan aralykda,
Hudaýymyz Rebbiň huzurynda on dört
günläp baýram etdiler. 66 Şundan soň
Süleýman halky öýli-öýüne ugratdy.
Olar patyşany ýalkap, Rebbiň Öz guly
Dawuda, halky ysraýyla görkezen ähli
ýagşylyklary üçin şatlanyp, göwnühoş-
lukda öýli-öýlerine gaýtdylar.

## 9-njy bap

### *Reb ýene Süleýmana görünýär*
*(2 Ýyl ýazgylary 7:12-22)*

1-2 Süleýman Rebbiň öýüni, öz köşgüni
hem-de gurmaga meýil eden zatlarynyň

baryny gurup gutaranda, Reb Gibgonda
görnüşi ýaly, Süleýmana ikilenç göründi.
3 Reb Süleýmana şeýle diýdi: «Men se-
niň eden dilegiňi, ýalbaryşyňy eşitdim.
Seniň guran bu öýüňi mukaddes etdim.
Maňa ol ýerde ebedilik ybadat ediler.
Meniň nazarym we ýüregim hemişe şol
ýerde bolar. 4-5 Eger-de sen kakaňyň ýö-
reýşi ýaly sap ýüreklilik, dogrulyk bilen
Meniň ýolumdan ýöräp, tabşyran ähli
zatlarymy edip, Meniň hökümlerim-
dir düzgünlerimi berjaý etseň, „Seniň
nesliňden Ysraýyla höküm sürjek adam
kemlik etmez“ diýip, kakaň Dawuda
wada berşim ýaly, Ysraýylyň üstünden
patyşalygyňy berkarar ederin.
6-7 Emma siz ýa-da siziň ogullaryňyz
Meniň yzyma eýermekden ýüz dönder-
seňiz, öňüňizde goýan tabşyryklarymy,
parzlarymy berjaý etmän, gidip başga
hudaýlara hyzmat edip, olara sežde etse-
ňiz, onda Men ysraýyl halkyny özlerine
beren ýerimden mahrum ederin. Özüme
ybadat edilmegi üçin mukaddes eden bu
öýümi ret ederin. Ysraýyl halky beýleki
halklara gep hem gülki bolar. 8 Şu öý
harabalyga öwrüler [a]. Onuň ýanyndan
geçýän her bir kişi oňa haýranlar galyp,
pyşyrdaşyp: „Reb näme üçin bu ýurdy,
bu öýi beýle terk etdikä?“ diýer. 9 Onsoň
ähli halklar: „Çünki ysraýyl halky ata-
babalaryny Müsür ýurdundan çykaran
özleriniň Hudaýy Rebden ýüz dönderip,
başga hudaýlara tarap öwrülip, olara sež-
de etdiler, olara hyzmat etdiler. Şonuň
üçin hem Reb bu betbagtçylygy olaryň
başyndan inderdi“ diýerler».

### *Süleýmanyň beýleki eden işleri*
*(2 Ýyl ýazgylary 8:1-18)*

10 Süleýman iki öýi, ýagny Rebbiň öýi
bilen öz köşgüni ýigrimi ýylda gurup
gutardy. 11 Sur patyşasy Hiramyň kedr
hem-de serwi agaçlaryndan we altyndan
Süleýman näçe islese berendigi üçin, Sü-
leýman patyşa-da oňa Jelile welaýatyndan
ýigrimi galany berdi. 12 Hiram Surdan
Süleýmanyň özüne beren galalaryny gör-
mäge geldi, ýöne onuň ol galalara göwni
ýetmedi. 13 Şonuň üçin hem ol: «Eý, dogan,
maňa beren galalaryň dagy nähili?» diýdi.
Şeýdip, olary Kabul [b] diýip atlandyrdylar.
Olar şu güne çenli hem şeýle atlandyryl-
ýar. 14 Hiram bolsa Süleýman patyşa iki
ýüz batman [ç] altyn iberipdi.
15 Süleýman patyşa işçileri toplap,
Rebbiň öýüni, öz köşgüni, Millony [d],
Iýerusalimiň diwaryny, Hasor, Megi-
do, Gezer galalaryny täzeden dikeltdi.
16 Bu gala ozal Müsür patyşasy faraon
tarapyndan basylyp alnyp, oda berlipdi.
Faraon galada ýaşaýan kenganlary gyryp,
ony inji hökmünde öz gyzyna – Süleý-
manyň aýalyna beripdi. 17-19 Şundan soň
Süleýman Gezeri, aşaky Beýthorony,
Bagalaty, Ýahuda çöllüginde bolan Tad-
mory, özüniň ähli ammar galalaryny,
söweş arabalarynyň saklanýan galala-
ryny, söweş arabaly goşunyň saklanýan
galalaryny täzeden gurdy. Mundan baş-
ga-da, Iýerusalimde, Liwanda hem-de öz
golastyndaky ýerleriň ählisinde gurmaga
meýil eden zatlarynyň baryny gurdurdy.
20 Ysraýyl halkyndan bolmadyk amorlar,

[a] **9:8 *Harabalyga öwrüler*** – käbir golýazmalarda *beýik bolar.*
[b] **9:13** Ýewreýçe *Kabul* we *haýyrsyz* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[ç] **9:14 *Iki ýüz batman*** – ýewreýçe *ýüz ýigrimi kikkar.* Bu takm. 4 tonna deňdir.
[d] **9:15-16 *Millo*** – toprak bilen doldurylan jaýryk ýa-da boşluk ýer bolmagy ahmal. Sözlüge seret.

hetler, perizler, hiwiler hem-de ýabuslar
entek hem şol ýurtda ýaşaýardylar. 21 Olar
ysraýyllaryň bütinleý ýok etmedik halk-
larynyň nesilleridir. Süleýman olary gula
öwürdi. Bu şu güne çenli hem şeýledir.
22 Emma Süleýman ysraýyl halkyny gul
etmedi. Olar Süleýmanyň esgerleri, köşk
emeldarlary, harby serkerdeleri, ýarag
göterijileri, söweş arabaly goşunynyň
serkerdeleridiler.

23 Süleýmanyň işine baştutanlyk edýän
ýolbaşçylar-da ysraýyl ogullaryndandy.
Olar bäş ýüz elli adam bolup, agyr işde
işleýän adamlara baştutanlyk etdiler.

24 Faraonyň gyzy Dawut galasyndan
çykyp, Süleýmanyň özi üçin guran
öýüne geldi. Soňra Süleýman galanyň
gündogar tarapyny täzeden dikeltdi.

25 Süleýman Rebbe guran gurban-
lyk sypasynda ýylda üç gezek ýakma
gurbanlyklaryny, salamatlyk gurban-
lyklaryny hödürlärdi, Rebbiň huzurynda
ýakymly ysly tütetgi ýakardy. Şeýdip, ol
Rebbiň öýüni doly gurup tamamlady.

26 Süleýman patyşa Edom ýurdunda,
Gyzyl deňziň [a] kenarynda, Eýlatyň go-
laýynda bolan Esýongeberde gämiler
ýasady. 27 Hiram öz emeldarlaryny Sü-
leýmanyň emeldarlary bilen bile deňze
belet bolan gämiçiler bilen iberdi. 28 Olar
Opyra gidip, ol ýerden ýedi ýüz on bat-
man töweregi altyn alyp, ony Süleýman
patyşa getirip berdiler.

## 10-njy bap

### *Şeba melikesi Iýerusalime gelýär*
*(2 Ýyl ýazgylary 9:1-12)*

1 Şeba melikesi Süleýmanyň Rebbe
goýýan hormatynyň at-owazasyny eşidip,
ony kyn sowallar bilen synamaga Iýeru-
salime geldi. 2 Şeba melikesi ummasyz
baýlyk, hoşboý ysly zatlar, köp muk-
dardaky altyn we gymmatbaha daşlar
ýüklenen düýeler bilen Iýerusalime geldi.
Ol Süleýmanyň ýanyna gelip, ýüregine
düwen ähli sowallary sorady. 3 Süleýman
onuň ähli sowallaryna jogap berdi. Patyşa
onuň ýekeje sowalyny-da jogapsyz gal-
dyrmady. 4-5 Şeba melikesi Süleýmanyň
paýhasyny, onuň guran öýüni, saçagyn-
daky näz-nygmatlary, emeldarlarynyň
ýaşaýan ýerlerini, hyzmatkärleriniň hyz-
matyny, olaryň egin-eşiklerini, onuň
sakylaryny, Rebbiň öýünde berýän ýak-
ma gurbanlyklaryny görende, onuň bu
zatlara akyly haýran boldy.

6-7 Ol patyşa şeýle diýdi: «Ýurdumda
işleriň hakda, parasatyň hakda eşiden
sözlerim dogry eken, ýöne men gelip, öz
gözlerim bilen görýänçäm, aýdylanlara
ynanmadym. Maňa onuň ýarysyny hem
aýtmandyrlar. Seniň pähim-paýhasyň,
rowaçlygyň meniň eşidişimden has ar-
tyk eken. 8 Seniň halkyň nähili bagtly!
Hemişe huzuryňda bolup, pähim-paý-
hasyňy eşidýän emeldarlaryň nähili
bagtly! 9 Senden hoşal bolup, seni ysraýyl
tagtynda oturdan Hudaýyň Rebbe alkyş
bolsun! Reb Ysraýyly ebedilik söýensoň,
adalaty we hakykaty berjaý etmegiň üçin
seni patyşa etdi». 10 Onsoň Şeba melikesi
Süleýman patyşa iki ýüz batman [b] altyn,
köp mukdarda atyrlary we gymmatbaha
daşlary berdi. Süleýman patyşa Şeba
melikesiniňki ýaly şeýle köp mukdar-
daky hoşboý ysly zatlar hiç berilmändi.

11 Hiramyň Opyrdan altyn getiren gä-
misi ol ýerden köp mukdarda sandal
agajyny we gymmatbaha daşlary hem

---

[a] **9:26** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi*.

[b] **10:10** ***Iki ýüz batman*** – ýewreýçe *ýüz ýigrimi kikkar*. Bu takm. 4 tonna deňdir.

getirdi. 12 Patyşa sandal agajyndan Reb-
biň öýüne, patyşanyň köşgüne söýeler,
aýdymçylar üçin liradyr arfalar ýasa-
dy; beýle sandal agajy şu güne çenli
görlüp-eşidilmändi.
13 Süleýman patyşa Şeba melikesine
öz eçilen zatlaryndan daşary onuň göw-
nüniň islän zadyny berdi. Şeýdip, Şeba
melikesi emeldarlary bilen öz ýurduna
dolandy.

### *Süleýmanyň baýlyklary*
*(2 Ýyl ýazgylary 9:13-28)*

14-15 Süleýmana bir ýylda gelen altynyň
agramy alyş-beriş edýän adamlardan,
söwdagärleriň söwdasyndan, ähli arap
şalaryndan, ýurduň häkimlerinden gelen
altyndan daşary bir müň bir ýüz otuz
batmandan gowrakdy[a]. 16 Süleýman
patyşa döwme altyndan iki ýüz sany uly
galkan ýasady. Her bir uly galkana, on
ýedi gadak[b] altyn sarp edildi. 17 Ol döw-
me altyndan üç ýüz galkan ýasady; her
galkana dört ýarym gadak[ç] altyn sarp
edildi. Patyşa bulary «Liwan jeňňeli»
atly köşgünde goýdy. 18 Patyşa tagtyny
piliň süňki bilen haşamlap, sap altyna
gaplady. 19 Tagtyň alty basgançagy bardy,
arka tarapdan tagtyň depesi tegelekdi,
kürsiniň iki tarapynda hem tirseklikler,
tirsekleriň gapdalynda-da iki ýolbars
durdy. 20 Alty basgançagyň her tarapyn-
da bir ýolbars, jemi on iki ýolbars durdy.
Beýle zat entek asla hiç bir ýurtda ýasal-
mandy. 21 Süleýmanyň gap-gaçlarynyň
barysy altyndandy. Onuň «Liwan jeň-
ňeli» atly köşgüniň ähli gap-gaçlary-da
sap altyndandy. Kümüşden hiç zat ýokdy,
sebäbi kümüş Süleýmanyň döwründe
hiç zatça görülmeýärdi. 22 Çünki Süleý-
manyň Hiramyň gämileri bilen birlikde
deňizde gämileri bardy. Deňiz gämileri
üç ýylda bir gezek gelip, altyn, kümüş,
pil dişini, maýmynlary we tawuslary
getirerdiler.
23 Şeýdip, Süleýman patyşa baýlykda,
pähim-paýhasda ýer ýüzündäki ähli
patyşalardan öňe geçdi. 24 Hudaýyň Sü-
leýmanyň ýüregine salan paýhasyny
eşitmek üçin bütin dünýä onuň didaryna
zardy. 25 Süleýmanyň ýanyna gelen her
kes ýylyň-ýylyna kümüşdir altyn en-
jamlardan, egin-eşiklerden, ýaraglardan,
atyrlardan, atlardyr gatyrlardan ybarat
bolan sowgatlaryny getirýärdi.
26 Süleýman söweş arabalary bilen ara-
baly esgerleri toplady; onuň bir müň dört
ýüz söweş arabasy, on iki müň söweş
arabaly esgerleri[d] bardy. Süleýman ola-
ryň birnäçesini öz ýanynda Iýerusalimde,
galanlaryny bolsa söweş arabalarynyň
saklanýan galalarynda ýerleşdirdi. 27 Sü-
leýman Iýerusalimde kümşi daşlar bilen
deň etdi, kedr agajyny bolsa günba-
tar baýyrlykda gögerýän ýabany injir
agajy kimin köpeltdi. 28 Süleýmanyň
atlary Müsürden we Keweden getiril-
di; patyşanyň täjirleri olary Keweden
belli bir baha satyn aldylar. 29 Bir sö-
weş arabasy on ýedi gadak[e] töweregi
kümşe, bir at bolsa dört gadakdan gow-
rak kümşe satyn alnyp, olar Müsürden

---

[a] **10:14-15** ***Bir müň bir ýüz otuz batman*** – ýewreýçe *alty ýüz altmyş alty kikkar*. Bu takm. 23 tonna deňdir.
[b] **10:16** ***On ýedi gadak*** – ýewreýçe *alty ýüz şekel*. Bu takm. 7 kg deňdir.
[ç] **10:17** ***Dört ýarym gadak*** – ýewreýçe *üç mina*. Bu takm. 1,8 kg deňdir.
[d] **10:26** ***Söweş arabaly esgerleri*** – ýa-da *atlylar*.
[e] **10:29** ***Dört gadak*** – ýewreýçe *bir ýüz elli şekel*. Bu takm. 1,7 kg deňdir.

getirilýärdi. Şeýdip, bu söweş arabalary
we atlar Süleýmanyň täjirleriniň üsti
bilen bütin hetleriň we Siriýanyň şala-
ryna satylýardy.

## 11-nji bap

### *Süleýman Rebden ýüz öwürýär*

1 Süleýman faraonyň gyzyndan baş-
ga-da mowaplardan, ammonlardan,
edomlardan, sidonlylardan, hetlerden
birtopar keseki aýallara aşyk boldy. 2 Reb
ysraýyl ogullaryna: «Siz keseki millet-
lerden gyz alşyp-berişmäň, çünki olar
hökman sizi öz hudaýlaryna sežde etdi-
rerler» diýip aýdan milletlerindendiler.
Emma Süleýman muňa garamazdan
şu aýallara öýlendi. 3 Onuň ýedi ýüz
şa aýaly, üç ýüz gyrnak aýaly bardy.
Aýallary onuň ýüregini azdyrdylar. 4 Sü-
leýmanyň garrylyk çagynda aýallary
onuň ýüregini keseki hudaýlara tarap
öwürdiler. Süleýman kakasy Dawut ýaly
Hudaýy Rebbe wepaly bolmady. 5 Sü-
leýman sidonlylaryň hudaýy Aştoreta,
ammonlaryň nejis hudaýy Milkoma [a]
seždе etdi. 6 Süleýman Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri edip, kakasy Dawudyň bol-
şy ýaly Rebbe wepaly bolmady. 7 Soňra
Süleýman Iýerusalimiň gündogarynda-
ky dagda Mowabyň nejis buty Kemoş
we ammonlaryň hudaýy Molek üçin
seždegäh gurdy. 8 Ol şeýle hem öz hu-
daýlaryna ýakymly ysly tütetgi ýakyp,
olara gurbanlyk berer ýaly, ähli keseki
aýallary üçin hem seždegähler gurdy.
9-10 Rebbiň Süleýmana gaty gahary
geldi. Süleýman özüne iki gezek görnüp,
başga hudaýlaryň yzyna eýerme diýip
tabşyryk beren Ysraýyl Hudaýy Rebbiň
tabşyrygyny berjaý etmän, Ondan ýüz
dönderipdi. 11 Şonuň üçin hem Reb Sü-
leýmana şeýle diýdi: «Seniň Meniň bilen
eden ähtiňi bilgeşleýin bozup, Meniň
saňa tabşyran parzlarymy saklamandy-
gyň üçin, Men patyşalygy hökman seniň
eliňden alyp, ony köşk emeldarlaryňyň
birine bererin. 12 Emma seniň kakaň Da-
wudyň hatyrasy üçin Men muny seniň
günleriňde etmerin; patyşalygy seniň
ogluňyň elinden alaryn. 13 Men bütin
patyşalygy seniň eliňden alman, gulum
Dawudyň hem-de Öz saýlan şäherim
Iýerusalimiň hatyrasy üçin, diňe bir
tiräni seniň ogluňa bererin».

### *Süleýmanyň duşmanlary*

14 Soňra Reb edomly Hadady Süleý-
mana duşman etdi. Ol Edomda patyşa
neslindendi. 15-16 Çünki Dawut Edom-
daka, goşunbaşy Ýowap öldürilenleri
jaýlamaga gidip, Edomdaky erkekle-
riň ählisini gyrypdy. Ýowap we bütin
ysraýyllar Edomdaky erkekleriň ähli-
sini gyrýançalar, alty aýlap şol ýerde
galypdylar. 17 Emma Hadat kakasynyň
emeldarlary bolan birnäçe edomlylar
bilen gaçyp, Müsüre gidipdi; Hadat ol
wagtlar ýaş oglandy. 18 Olar Midýandan
çykyp, Parana geldiler, Parandan hem
ýanlaryna birnäçe adam alyp, Müsü-
re, Müsür patyşasy faraonyň ýanyna
bardylar. Patyşa Hadada ýaşamaga jaý
we mellek ýer berip, ony azyk bilen
üpjün etdi. 19 Hadat faraonyň mährini
gazandy; ol öz aýalynyň gyz doganyny,
ýagny melike Tahpeneýsiň gyz dogany-
ny Hadada aýallyga berdi. 20 Ol Hadada
ogul dogrup berip, onuň adyna Ge-
nubat dakdylar. Tahpeneýs Genubaty
faraonyň öýünde terbiýeledi. Genubat
onuň ogullarynyň arasynda ösüp ulaldy.

[a] **11:5** ***Milkom*** – bu Molek hudaýyň beýleki ady. Seret: 1Pat 11:7.

21 Hadat Müsürdekä, Dawudyň ata-ba-
balaryna gowşandygy hem-de Ýowap
goşunbaşynyň ölümi barada eşidende,
ol faraona şeýle diýdi: «Maňa öz ýur-
duma dolanmaga rugsat ber». 22 Faraon
ondan: «Ýurduňa gitmekçi bolar ýaly,
meniň ýanymda näme kemiň bar?» di-
ýip sorady. Ol: «Kem zadym ýok, ýöne
maňa hökman gitmäge rugsat ber» diýip
jogap berdi.

23 Jenaby Soba patyşasy Hadadgezerden
gaçyp giden Elýadanyň ogly Rezony
hem Hudaý Süleýmana duşman etdi.
24 Dawut sobalylary öldürende, Rezon
ýanyna adam ýygnap, bir leşgere baş
boldy. Olar Damaska baryp, şol ýerde
mesgen tutdular, onuň adamlary Rezo-
ny Damaskda patyşa etdiler. 25 Hadadyň
ýamanlyk edişi ýaly, Süleýmanyň bütin
ömrüne Rezon Ysraýyla duşman bolup,
Ysraýyly ýigrendi hem-de Siriýa hök-
mürowanlyk etdi.

### *Rebbiň Ýarobgama beren wadasy*

26 Süleýmanyň emeldarlarynyň biri
bolan Seredadan efraýymly Nebadyň
ogly Ýarobgam patyşa garşy çykdy.
Onuň ejesi Seruga atly bir dul hatyndy.
27 Onuň patyşa garşy el galdyrmagy-
nyň sebäbi şeýledi: Süleýman Millony
täzeden dikeldip, kakasy Dawut gala-
synyň diwarlarynyň ýykylan ýerlerini
abatlady. 28 Ýarobgam başarjaň adamdy,
bu ýaş ýigidiň iş başarjaňlygyny gören
Süleýman ony manaşa we efraýym tire-
lerine degişli bolan mejbury işdäkileriň
üstünden baştutan edip goýdy. 29 Bir
gün Ýarobgam Iýerusalimden çykyp
barýarka, ýolda oňa şiloly Ahyýa py-
gamber gabat geldi. Ahyýa täze eşikler
geýipdi. Çola ýerde olaryň ikisinden
başga adam ýokdy. 30 Ahyýa egnindäki
täze eşigini çykardy-da, ýyrtyp on iki
bölege böldi. 31-33 Soňra Ýarobgama şeýle
diýdi: «On bölegini özüň üçin al, çünki
Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär: „Men
patyşalygy hökman Süleýmanyň elin-
den alyp, on tiräni saňa bererin, ýöne
gulum Dawudyň hatyrasy üçin hem-de
Ysraýylyň bütin tirelerinden saýlap alan
şäherim Iýerusalimiň hatyrasy üçin di-
ňe bir tire Süleýmanyňky bolar. Çünki
ol Meni terk edip, sidonlylaryň hudaýy
Aştoreta, Mowabyň hudaýy Kemoşa,
ammonlaryň hudaýy Milkoma sežde etdi.
Süleýman kakasy Dawudyň yzyny tut-
mady. Ol Meniň nazarymda nähak işleri
edip, parzlarymy, hökümlerimi berjaý
etmedi, ýollarymdan ýöremedi. 34 Muňa
garamazdan, Men bütin patyşalygy onuň
elinden almaryn. Meniň tabşyryklary-
my, parzlarymy berjaý eden, Öz saýlan
gulum Dawudyň hatyrasy üçin, Men Sü-
leýmany ömrüniň ahyryna çenli patyşa
ederin. 35 Emma patyşalygy Dawudyň
oglunyň elinden alyp, ony on tire bilen
saňa bererin. 36 Maňa ybadat edilmegi
üçin, Öz saýlan şäherim Iýerusalimde
gulum Dawudyň neslinden biri hemişelik
patyşalyk eder ýaly bir tiräni Süleýma-
nyň ogluna bererin. 37 Men seni Ysraýyla
patyşa ederin we sen Ysraýyla göwnüňiň
isleýşine görä patyşalyk edersiň. 38 Gulum
Dawudyň edişi ýaly, parzlarymy, tab-
şyryklarymy berjaý edip, Maňa gulak
goýup, ýollarymdan ýöräp, Meniň na-
zarymda dogry işleri etseň, Men hemişe
seniň bilen bolaryn. Men seni Ysraýyla
patyşa ederin we edil Dawudyň nesille-
rini patyşa edişim ýaly, senden soň seniň
nesilleriňi hem patyşa ederin. 39 Süleý-
manyň günäleri üçin Men Dawudyň
nesillerine jeza bererin, ýöne bu hemişelik
bolmaz“». 40 Şonuň üçin hem Süleýman
Ýarobgamy öldürmäge synanyşdy, ýö-
ne Ýarobgam Müsüre, Müsür patyşasy

Şişagyň ýanyna gaçyp baryp, Süleýman
dünýäden ötýänçä, şol ýerde boldy.

### *Süleýmanyň ölümi*
*(2 Ýyl ýazgylary 10:1-19)*

41 Süleýmanyň ähli galan we eden işleri
hem-de akyl-paýhasy barada «Süleýma-
nyň işleri» diýen kitapda ýazylandyr.
42 Süleýman Iýerusalimde bütin Ysraýyla
kyrk ýyl patyşalyk etdi. 43 Süleýman
ata-babalaryna gowuşdy. Ol kakasy Da-
wudyň galasynda jaýlandy. Onuň ýerine
ogly Rehabgam patyşa boldy.

## 12-nji bap

### *Demirgazyk tireleriniň gozgalaňy*
*(2 Ýyl ýazgylary 10:1-19)*

1 Rehabgam Şekeme gitdi. Bütin ys-
raýyl halky Rehabgamy patyşa etjek
bolup, Şekeme gelipdi. 2 Nebadyň ogly
Ýarobgam şol wagt Süleýmandan gaçyp,
Müsürde ýaşaýardy. Ol Rehabgam bara-
daky habary eşidenden soň, Müsürden
gaýdyp geldi. 3 Tutuş ysraýyl jemagaty
Ýarobgamy çagyrdyp alyp, onuň bilen
bile Rehabgamyň ýanyna gelip, oňa:
4 «Kakaň bize agyr zulum etdi. Indi sen
kakaňyň bize eden agyr zulumyny ýeňlet
we bize salan salgydyny azalt, şonda biz
saňa gulluk ederis» diýdiler. 5 Rehabgam
ysraýyl halkyna: «Gidiň-de, ýene-de üç
günden meniň ýanyma dolanyp geliň»
diýdi. Şeýdip, olar gitdiler.
6 Onsoň Rehabgam patyşa kakasy
Süleýmanyň diri mahalynda onuň hyz-
matynda duran ýaşulular bilen geňeşip,
olardan: «Bu halka nähili jogap bermegi
maňa maslahat berýärsiňiz?» diýip sora-
dy. 7 Ýaşulular oňa: «Eger sen şu gün bu
halka ýagşy hyzmat edip, olardan ýagşy
sözüňi gaýgyrmasaň, olar saňa baky
hyzmat ederler» diýip jogap berdiler.
8 Emma Rehabgam ýaşulularyň beren
maslahatyny äsgermän, özi bilen bile
ösüp ulalan, huzurynda hyzmat edýän
ýaş ýigitler bilen geňeşdi. 9 Rehabgam
ýaş ýigitlerden: «Siz: „Sen kakaňyň bi-
ze eden agyr zulumyny ýeňlet“ diýýän
bu halka nähili jogap bermegi maňa
maslahat berýärsiňiz?» diýdi. 10 Onuň
bilen bile ösüp ulalan ýaş ýigitler oňa:
«Saňa „Kakaňyň bize eden agyr zulu-
myny ýeňlet“ diýýän bu halka öz külem
barmagyň kakaňyň bilinden ýogyndygy-
ny aýt. 11 Kakam size agyr zulum eden
bolsa, men size edilen zulumy has-da
artdyraryn; kakam sizi çyrpy bilen je-
zalandyran bolsa, men sizi gamçy bilen
jezalandyraryn diý» diýdiler.
12 Şeýdip, patyşanyň: «Meniň ýany-
ma ýene-de üç günden dolanyp geliň»
diýşi ýaly, Ýarobgam bilen bütin halk
üçünji gün Rehabgamyň ýanyna gel-
diler. 13 Patyşa halka rehimsizlik bilen
jogap berdi. Ol ýaşulularyň özüne beren
maslahatyny ret etdi. 14 Rehabgam ýaş
ýigitleriň beren maslahatyna eýerip, Ýa-
robgama we ysraýyl halkyna şeýle jogap
berdi: «Kakam size agyr zulum eden
bolsa, men size edilen zulumy has-da
artdyraryn. Kakam sizi çyrpy bilen je-
zalandyran bolsa, men sizi gamçy bilen
jezalandyraryn». 15 Şeýdip, patyşa halky
diňlemedi. Bu waka Rebbiň şiloly Ahyýa
arkaly Nebadyň ogly Ýarobgam barada
aýdan sözüniň amala aşmagy üçin Reb
tarapyndan şeýle tamamlanypdy.
16 Patyşanyň özlerini diňlemejegini
bilen ysraýyl halky oňa: «Biziň Dawut
bilen näme şärikligimiz bar? Ýyşaýyň
oglunda mirasymyz ýokdur. Eý, ysraýyl-
lar, öýli-öýüňize gaýdyň! Eý, Dawudyň
nesli, sen öz öýüňe seret!»
Şeýdip, ysraýyllar öz öýlerine dolan-
dylar. 17 Emma Rehabgam diňe Ýahuda

şäherlerinde ýaşaýan ysraýyllara paty-
şalyk etdi. 18 Rehabgam patyşa gullaryň
baştutany Adoramy[a] Ysraýyla iberende,
ysraýyl halky ony daşlap öldürdi. Re-
habgam patyşa Iýerusalime gaçmak üçin,
howlukmaçlyk bilen öz at arabasyna
mündi. 19 Şeýdip, Demirgazyk ysraýyl
tireleri şu güne çenli Dawudyň nesille-
rine garşy pitne turzup gelýärler.

20 Ýarobgamyň gaýdyp gelendigini
eşiden bütin ysraýyl halky onuň ýanyna
adam ýollap, ony ýygnanyşyga çagyryp,
tutuş Ysraýyla patyşa etdiler. Ýahuda
tiresinden başga Dawudyň nesilleriniň
yzyna düşen bolmady.

### *Şemagýa pygamberlik edýär*
*(2 Ýyl ýazgylary 11:1-4)*

21 Rehabgam Iýerusalime geldi. De-
mirgazyk ysraýyl tirelerine garşy urşup,
patyşalygy Süleýmanyň ogly Rehab-
gama gaýtaryp bermek üçin, bütin
ýahuda hem-de benýamin tirelerinden
ýüz segsen müň saýlama urşujylar topla-
dy. 22 Emma Hudaýyň adamy Şemagýa
Hudaýyň şu sözi aýan boldy: 23 «Sü-
leýmanyň ogly, Ýahudanyň patyşasy
Rehabgama, bütin ýahuda hem-de ben-
ýamin tirelerine hem-de galan halka
24 Reb şeýle diýýär diý: „Siz doganlary-
ňyz bolan ysraýyl halkynyň garşysyna
uruşmaň. Her kes öz öýüne gaýtsyn,
çünki bu bolan waka Mendendir“». Olar
Rebbiň sözüne gulak asyp, Onuň aýdyşy
ýaly öýlerine gitdiler.

### *Ýarobgam Hudaýdan ýüz öwürýär*

25 Onsoň Ýarobgam Efraýym daglyk
ýurdunda Şekem galasyny bina edip, şol
ýerde mesgen tutdy. Soňra ol Şekem-
den gidip, Penuwaly bina etdi. 26 Onsoň
Ýarobgam öz içinden şeýle diýdi: «Indi
patyşalyk ýene-de Dawudyň nesillerine
gaýdyp geler. 27 Eger bu halk Rebbiň
öýünde gurbanlyk bermek üçin Iýeru-
salime gitmegini dowam etdirse, onda
olaryň ýüregi öz jenaby, Ýahuda paty-
şasy Rehabgama tarap öwrüler. Olar
meni öldürip, Rehabgamyň ýanyna
öwrülip bararlar». 28 Şeýdip, patyşa pi-
kirini jemläp, iki sany altyn göle ýasap,
halka ýüzlenip, şeýle diýdi: «Iýerusa-
lime şu wagta çenli gatnanyňyz besdir.
Eý, ysraýyllar, sizi Müsürden çykaran
hudaýlaryňyz şulardyr». 29 Ol altyn gö-
läniň birini Beýtelde, beýlekisini hem
Danda goýdy. 30 Şeýdip, halk günä etdi.
Halk sežde etmek üçin Beýteldäki we[b]
Dandaky altyn göläniň ýanyna uzak
ýere gitdiler. 31 Ýarobgam şeýle hem
seždegähler gurup, lewilerden bolmadyk
adamlardan ruhanylar belledi.

32 Ýarobgam sekizinji aýyň on bäşine
Ýahudadaky geçirilen baýram ýaly baý-
ram edip, gurbanlyk sypasynda gurbanlyk
berdi. Ol öz ýasan gölelerine gurbanlyklar
hödür etmek üçin, Beýtelde hem şeýle
etdi. Onsoň ol Beýtelde öz guran sežde-
gählerine ruhanylar belledi. 33 Ýarobgam
öz saýlan aýy bolan sekizinji aýyň on bä-
şine Beýtelde diken gurbanlyk sypasynyň
ýanyna gitdi. Ol ysraýyl halky üçin baý-
ram edip, ýakymly ysly tütetgi ýakmak
üçin gurbanlyk sypanyň ýanyna geldi.

## 13-nji bap

### *Ýahudaly Hudaýyň adamy*

1 Ýarobgam gurbanlyk sypasynyň ýa-
nynda ýakymly ysly tütetgi ýakjak bolup

---

[a] **12:18** ***Adoram*** – käbir gadymy terjimelerde *Adonyram*. Seret: 1Pat 4:6 we 5:14.

[b] **12:30** ***Beýteldäki we*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok.

durka, Rebbiň tabşyrygy boýunça Hu-
daýyň adamy Ýahudadan Beýtele geldi.
2 Ýaňky Hudaýyň adamy Rebbiň tabşyry-
gy boýunça gurbanlyk sypasyna gygyryp
şeýle diýdi: «Eý, gurbanlyk sypasy, Reb
şeýle diýýär: „Ine, Dawudyň neslinden
bir ogul dünýä iner, onuň ady Ýoşyýa
bolar. Ýoşyýa seždegählerde ýakymly
ysly tütetgi ýakýan ruhanylaryň özlerini
seniň üstüňde gurbanlyk eder. Üstüňde
ynsanlaryň süňkleri ýakylar“». 3 Huda-
ýyň adamy şol gün bir alamat berip, şeýle
diýdi: «Rebbiň aýdan alamaty şudur:
„Bu gurbanlyk sypasy çym-pytrak bo-
lup, üstündäki kül dumly-duşa pytrar“».
4 Onuň Beýteldäki gurbanlyk sypasyna
gygyryp aýdan sözüni Ýarobgam eşitdi
we gurbanlyk sypasynyň ýanyndan elini
uzadyp: «Ony tutuň!» diýdi. Ýarobgamyň
Hudaýyň adamyna garşy uzadan eli şol
bada ysmaz bolup, ol elini yzyna çekip
bilmedi. 5 Hudaýyň adamynyň Rebbiň
tabşyrygy boýunça görkezen alamatyna
görä, gurbanlyk sypasy çym-pytrak bo-
lup, üstündäki kül dumly-duşa pytrady.
6 Patyşa oňa: «Hudaýyň Rebden maňa
rehim etmegini sorap, elimiň gutulmagy
üçin dileg edäý» diýdi. Şeýdip, Hudaýyň
adamy Ýarobgamyň eliniň gutulmagy
üçin Rebbe dileg etdi. Onsoň patyşanyň
eli gutulyp, öňki halyna geldi. 7 Patyşa
Hudaýyň adamyna şeýle diýdi: «Meniň
bilen öýe gel-de naharlan. Maňa eden
ýagşylygyň üçin men saňa sylag berjek».
8 Emma Hudaýyň adamy patyşa: «Maňa
patyşalygyň ýarysyny berseňem, men
seniň bilen gitmerin. Bu ýerde çörek iýip,
suw-da içmerin. 9 Çünki Reb maňa: „Ol
ýerde çörek iýme, suw içme, giden ýo-
luňdan yzyňa gaýtma“ diýip tabşyrdy»
diýip jogap berdi. 10 Şeýdip, ol yzyna
Beýtele gelen ýolundan gitmän, başga
ýol bilen gaýtdy.

11 Beýtelde bir garry pygamber ýa-
şaýardy. Onuň ogullaryndan biri gelip,
Hudaýyň adamynyň şol gün Beýtel-
de eden ähli işlerini oňa gürrüň berdi.
Olar onuň patyşa diýenleriniň baryny
kakalaryna aýdyp berdiler. 12 Kakalary
olardan: «Ol haýsy ýoldan gitdi?» di-
ýip sorady. Onuň ogullary Ýahudadan
gelen Hudaýyň adamynyň haýsy ýol-
dan gidendigini kakalaryna görkezdiler.
13-14 Onsoň pygamber ogullaryna: «Maňa
eşegimi gaňňalap beriň» diýdi. Olar oňa
eşegini gaňňalap berdiler. Pygamber
eşegine münüp, Hudaýyň adamynyň
yzyndan gidip, ony tapdy. Ol dub agajy-
nyň aşagynda otyrdy. Pygamber ondan:
«Sen Ýahudadan gelen Hudaýyň adamy-
my?» diýip sorady. Ol hem: «Hawa, men
şol» diýip jogap berdi. 15 Ol Hudaýyň
adamyna: «Ýör, öýe gideli, şol ýerde
naharlanaý» diýdi. 16 Emma Hudaýyň
adamy: «Men seniň bilen yzyma, öýü-
ňe gidip bilmen; men bu ýerde seniň
bilen çöregem iýjek däl, suwam içjek
däl. 17 Çünki Reb maňa: „Ol ýerde çörek
iýme, suw içme, giden ýoluňdan yzyňa
gaýtma“ diýip tabşyrdy» diýdi. 18 Onsoň
ol pygamber Hudaýyň adamyna şeýle
diýdi: «Men hem seniň ýaly bir pygam-
berdirin. Rebbiň tabşyrygy boýunça bir
perişde maňa: „Ol çörek iýip, suw içer
ýaly ony yzyna öwür-de, özüň bilen bile
öýüňe alyp gaýt“ diýdi». Ol Hudaýyň
adamyny aldaýardy. 19 Onsoň Hudaýyň
adamy onuň bilen yzyna gaýtdy we onuň
öýüne gelip, çörek edindi, suw içdi.

20 Olar saçak başynda otyrkalar, ony
yzyna alyp gaýdan pygambere Rebbiň
şu sözi aýan boldy. 21-22 Ol Ýahudadan
gelen Hudaýyň adamyna Reb şeýle diý-
ýär diýdi: «Rebbiň sözüni diňlemän,
Hudaýyň Rebbiň özüňe beren tabşy-
ryklaryny saklamadyň. Yzyňa gaýdyp,

çörek edinme, suw içme diýlen ýerden
iýip-içendigiň üçin ata-babalaryňyň
mazarynda jaýlanmarsyň». 23 Hudaýyň
adamy iýip-içip bolandan soň, oňa özüni
yzyna alyp gaýdan pygamberiň eşegini
gaňňalap berdiler. 24 Hudaýyň adamy
gidip barýarka, oňa ýolda bir ýolbars
duşup, ony öldürdi. Onuň jesedi ýoluň
üstünde ýatyrdy, eşek-de, ýolbars-da
onuň gapdalynda durdy. 25 Adamlar
geçip barýarkalar, ýolda ýatan jesedi
hem-de jesediň gapdalynda duran ýol-
barsy gördüler. Onsoň olar ýaňky garry
pygamberiň ýaşaýan galasyna gelip, bu
barada adamlara gürrüň berdiler.

26 Hudaýyň adamyny ýoldan yzy-
na öwren bu pygamber bolan wakany
eşideninde: «Ol Rebbiň sözüne gulak
asmadyk Hudaýyň adamydyr; Reb aýdan
sözüne görä, ony arslana berip, arslan
hem ony parçalap öldüren bolmaly»
diýdi. 27 Onsoň ol ogullaryna: «Maňa
eşegi gaňňalap beriň» diýdi. Olar oňa
eşegi gaňňalap berdiler. 28 Ol pygam-
ber gidip, Hudaýyň adamynyň ýolda
ýatan jesedini tapdy. Eşek we ýolbars
jesediň gapdalynda duran eken. Ýolbars
Hudaýyň adamynyň jesedini iýmändir,
eşegi-de parçalamandyr. 29 Ol pygamber
Hudaýyň adamynyň jesedini göterip, öz
eşeginiň üstüne ýükledi-de, ony yzyna
alyp gaýtdy. Ol ýas tutup, ony jaýla-
mak üçin gala geldi. 30 Pygamber jesedi
öz mazarlygynda goýup: «Wah dogan,
dogan!» diýip, ogullary bilen Hudaýyň
adamynyň ýasyny tutdy. 31-32 Ol Hudaýyň
adamyny jaýlap bolandan soň, ogulla-
ryna şeýle diýdi: «Men ölenimde, meni
şu pygamberiň jaýlanan mazarynda
jaýlaň, meniň süňklerimi onuň süňk-
leriniň ýanynda goýuň. Çünki onuň
Beýteldäki gurbanlyk sypasy barada
we Samariýanyň galalaryndaky ähli
seždegähler barada Rebbiň tabşyrygy
boýunça gygyryp jar eden zatlarynyň
bary hökman amala aşar».

33 Bu wakadan soň hem Ýarobgam
özüniň pis işlerinden el çekmedi. Ol
ýene-de seždegählerde ähli halklaryň
arasyndan ruhanylar belledi. Ruhany
bolmaga isleg bildirenleriň baryny ruha-
nylyga belledi. 34 Bu günä iş Ýarobgamyň
nesilleriniň ýer ýüzünden tutuşlygyna
ýok bolmagyna getirdi.

## 14-nji bap

### *Ýarobgamyň ogly ölýär*

1 Şol wagtlarda Ýarobgamyň ogly Aby-
ýa syrkawlady. 2 Ýarobgam öz aýalyna
şeýle diýdi: «Bar, Ýarobgamyň aýa-
lydygyň bilinmez ýaly başga geýime
gir-de, Şilo git, çünki Ahyýa pygamber
şol ýerdedir. Ol meniň bu halka patyşa
boljagymy aýdypdy. 3 Eliňe on çörek,
külçeler, bir golça-da bal alyp, onuň
ýanyna git; ol saňa oglumyza näme
boljagyny aýdyp berer».

4 Ýarobgamyň aýaly şeýle-de etdi. Ol
Şilo gidip, Ahyýanyň öýüne bardy. Ahy-
ýa kördi, çünki gojalykdan ýaňa onuň
gözleri çöňňelipdi. 5 Onsoň Reb Ahyýa:
«Ýarobgamyň aýaly syrkaw ogly hak-
da soramaga geler» diýdi. Reb Ahyýa
Ýarobgamyň aýalyna näme jogap ber-
melidigini aýtdy.

Ol gelende, nätanyş aýal bolup geldi.
6 Emma ol aýal gapydan girip gelýärkä,
Ahyýa onuň aýak sesini eşidip: «Eý,
Ýarobgamyň aýaly, içeri giriber. Sen
näme üçin nätanyş aýal bolan bolýarsyň?
Mende seniň üçin gaty erbet habar bar.
7 Git-de, Ýarobgama Ysraýyl Hudaýy
Reb şeýle diýýär diý: „Men seni halkyň
arasyndan saýlap, halkym Ysraýylyň üs-
tünden patyşalyga belledim. 8 Patyşalygy

Dawudyň neslinden alyp, saňa berdim.
Emma sen Meniň tabşyryklarymy ber-
jaý edip, Meniň nazarymda dogry işleri
edip, bütin kalby bilen Maňa wepaly
bolan gulum Dawut ýaly bolmadyň.
9 Gaýtam, sen özüňden öňki patyşala-
ryň baryndan beter pislik etdiň. Sen
guýma altyn göle butlaryny ýasap, olara
sežde edip, Meniň gaharymy getirdiň
we Menden ýüz öwürdiň. 10 Şonuň üçin
hem Men Ýarobgamyň nesilleriniň ba-
şyndan betbagtçylyk indererin. Isle azat
bolsun, isle gul, parhy ýok, Ýarobga-
myň neslinden bolan Ysraýyldaky her
bir erkegi bütinleý ýok ederin. Dersiň
syrylyp-süpürilip taşlanyşy ýaly, Men
Ýarobgamyň nesilleriniň baryny iň
soňkusyna çenli bütinleý ýok ederin.
11 Ýarobgamyň nesilleriniň galada ölen-
lerini itler, düzde ölenlerini guşlar iýer,
çünki Reb şeýle diýdi“. 12 Indi sen tur-da,
öýüňe git. Sen gala aýak basan badyňa,
ogluň öler. 13 Bütin ysraýyl halky onuň
ýasyny tutup, ony jaýlar. Ýarobgamyň
maşgalasyndan diňe şu oglan däbe görä
jaýlanar. Çünki Ýarobgamyň neslinden
diňe şu oglan Ysraýyl Hudaýy Rebbiň
göwnünden turdy. 14 Reb Özi üçin Ys-
raýylyň üstünden bir patyşa goýar. Ol
Ýarobgamyň neslini hut şu gün, edil şu
pursatda ýok eder.

15 Reb Ysraýyla jeza berer. Ol ysraýyl
halkyny suwuň başynda yranýan gamyş
kimin sarsdyrar. Reb ysraýyllary olaryň
ata-babalaryna beren gowy ýurdundan
çykaryp, olary Ýewfrat derýasynyň aň-
ry tarapyna dargadar, çünki olar Aşera
butlaryny ýasap, Rebbiň gaharyny ge-
tirdiler. 16 Ýarobgamyň öz eden hem-de
Ysraýyla etdiren günäleri zerarly, Reb
Ysraýyly terk eder».

17 Soňra Ýarobgamyň aýaly yzyna
gaýtdy. Ol Tirsa gelip, öýüniň işigine
ýeten badyna, onuň çagasy ýogaldy.
18 Bütin ysraýyl halky çagany jaýlap,
onuň ýasyny tutdular. Şeýdip, Rebbiň
Öz guly Ahyýa pygamber arkaly aýdan
sözi amala aşdy.

### *Ýarobgamyň ölümi*

19 Ýarobgamyň galan işleri, onuň eden
söweşleri we nähili patyşalyk edendi-
gi barada ysraýyl patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr. 20 Ýarobgam
ýigrimi iki ýyl patyşalyk etdi. Ol ata-
babalaryna gowuşdy. Onuň ýerine ogly
Nadap patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Rehabgam*
*(2 Ýyl ýazgylary 11:5–12:15)*

21 Süleýmanyň ogly Rehabgam Ýahu-
dada patyşalyk etdi. Rehabgam patyşa
bolanda kyrk bir ýaşyndady; ol Rebbiň
Özüne ybadat edilmegi üçin Ysraýylyň
bütin tirelerinden saýlan şäheri Iýerusa-
limde on ýedi ýyl patyşalyk etdi. Ejesi
ammonly bolup, onuň ady Nagamady.
22 Ýahuda halky Rebbiň nazarynda ýig-
renji işleri edip, ata-babalarynyň eden
günälerinden-de has beter günä etdiler.
Olar Rebbiň gabanjaňlygyny oýardylar.
23 Çünki olar hem her bir beýik baýyr-
da, gür ýaprakly her bir agajyň astynda
özlerine seždegähleri, dikme daşlary-
ny hem-de Aşera butlaryny gurdular.
24 Şeýle hem ýurtdaky seždegähleriň
azgyn erkekleri bardy. Olar Rebbiň ys-
raýyllaryň öňünden kowup çykaran
milletleriniň nejis işlerini etdiler.

25 Rehabgamyň patyşalygynyň bäşinji
ýylynda Müsür patyşasy Şişak Iýerusa-
lime hüjüm etdi. 26 Ol Rebbiň öýündäki
hazynalaryň, patyşanyň köşgündäki
hazynalaryň baryny talady. Ol Süleýma-
nyň altyndan ýasadan ähli galkanlaryny
hem alyp gitdi. 27 Rehabgam patyşa bolsa

olaryň deregine bürünçden galkanlar
ýasadyp, olary patyşanyň köşgüniň
gapysyny saklaýan garawullaryň baş-
tutanlarynyň eline berdi. 28 Patyşa her
sapar Rebbiň öýüne gidende, garawullar
olary göterip getirip, soňra ýene yzyna
garawulhana äkidýärdiler.
29 Rehabgamyň galan işleri we ähli
eden işleri barada Ýahuda patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr. 30 Rehab-
gam bilen Ýarobgamyň arasynda hemişe
uruş boldy. 31 Rehabgam ata-babalaryna
gowuşdy. Ol ata-babalarynyň ýanynda,
Dawut galasynda jaýlandy. Onuň ejesi
ammonly bolup, ady Nagamady. Rehab-
gamyň ýerine ogly Abyýam patyşa boldy.

## 15-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Abyýam*
*(2 Ýyl ýazgylary 13:1–14:1)*

1 Nebadyň ogly Ýarobgamyň paty-
şalygynyň sekizinji ýylynda Abyýam
Ýahuda patyşa boldy. 2 Abyýam Iýe-
rusalimde üç ýyl patyşalyk etdi; onuň
ejesiniň ady Magakady. Ol Abyşalomyň
gyzydy. 3 Abyýam hem kakasynyň eden
günälerini gaýtalady. Ol atasy Dawut
ýaly Rebbe wepaly bolmady. 4 Muňa
garamazdan, onuň Hudaýy Reb Iýeru-
salimi kuwwatlandyrmak üçin, Abyýam
ölenden soň ornuna patyşa bolar ýaly,
oňa bir ogul berdi. Hudaý Reb muny
Dawudyň hatyrasy üçin etdi. 5 Çünki
Dawut diňe hetli Uryýa eden ýamanly-
gyndan başga bütin ömrüne Hudaýyň
nazarynda dogry işleri etdi. Ol Rebbiň
özüne beren tabşyryklarynyň baryny
ömürboýy berjaý etdi. 6 Rehabgam bi-
len Ýarobgamyň arasynda başlan uruş
Abyýamyň ömrüniň ahyryna çenli do-
wam etdi. 7 Abyýamyň galan işleri we
ähli eden işleri Ýahuda patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr. 8 Abyýam
ata-babalaryna gowuşdy. Ol Dawut ga-
lasynda jaýlandy. Onsoň onuň ýerine
ogly Asa patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Asa*
*(2 Ýyl ýazgylary 15:16–16:6)*

9 Ysraýyl patyşasy Ýarobgamyň pa-
tyşalygynyň ýigriminji ýylynda Asa
Ýahuda patyşa boldy. 10 Asa Iýerusalimde
kyrk bir ýyl patyşalyk etdi; onuň ene-
siniň ady Magakady. Ol Abyşalomyň
gyzydy. 11 Asa atasy Dawut ýaly Rebbiň
nazarynda dogry işleri etdi. 12 Asa sež-
degähleriň azgyn erkeklerini ýurtdan
çykaryp, öz ata-babalarynyň ýasan ähli
butlaryny ýok etdi. 13 Asa patyşa hatda
ejesi Magakany melikelikden mahrum
etdi, çünki ol Aşera üçin ýigrenji but ýa-
sapdy. Asa Aşera butuny kesip, Kidron
deresinde ýakdy. 14 Emma Ysraýyldaky
seždegähler ýok edilmändi. Muňa gara-
mazdan, Asanyň ýüregi bütin ömründe
Rebbe wepaly boldy. 15 Ol kakasynyň
hem-de özüniň aýdan sadakalaryny,
ýagny kümşi, altyny we gap-gaçlary
Rebbiň öýüne getirdi.
16 Asa bilen ysraýyl patyşasy Bagşa
bütin ömürlerine uruş etdiler. 17 Ysraýyl
patyşasy Bagşa Ýahudanyň üstüne çoz-
dy. Ol Ýahuda patyşasy Asanyň ýanyna
gelip-gitmek isleýänleriň ýoluny ýapmak
üçin Rama galasyny berkitdi. 18 Soňra
Asa Rebbiň öýüniň we patyşa köşgüniň
hazynalarynda galan ähli kümüşdir al-
tyny alyp, olary öz köşk emeldarlaryna
berdi. Asa olary Tabrymmonyň agtygy,
Hezýonyň ogly, Damaskda ýaşaýan Si-
riýa patyşasy Benhadada iberdi. 19 Asa
öz emeldarlaryndan Benhadada şeýle
habar ýollady: «Seniň kakaň bilen meniň
kakamyň arasynda bolşy ýaly, ikimi-
ziň aramyzda-da ylalaşyk bolsun. Men

saňa kümüşdir altyn sowgat iberýärin.
Sen git-de, Ysraýylyň patyşasy Bagşa
bilen eden ylalaşygyňy boz, ol meniň
üstümden sowulsyn». 20 Benhadat Asa
patyşanyň aýdanlaryna gulak asdy. Ol
goşun serkerdelerini iberip, Yýony, Dany,
Abelbeýtmagakany, tutuş Naftaly ýurdy
bilen birlikde bütin Kinneredi basyp aldy.
21 Bagşa muny eşidende, Ramany berkit-
mekden el çekip, Tirsada mesgen tutdy.
22 Soňra Asa patyşa Rama galasyndaky
Bagşanyň berkitme üçin ulanyp ýören
daşlaryny, agaçlaryny alyp gitmäge
ýahudalara buýruk berdi. Asa patyşa
bu daşdyr agaçlar bilen Benýamindäki
Geba galasyny we Mispa galasyny ber-
kitdi. 23 Asanyň galan ähli işleri, onuň
gaýduwsyz edermenlikleri, ähli eden
işleri we berkiden galalary barada ýa-
huda patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. Gojalan çagynda, ol aýak-
dan dert çekdi. 24 Asa ata-babalaryna
gowuşdy. Ol ata-babalarynyň ýanynda,
atasy Dawut galasynda jaýlandy. Ogly
Ýehoşapat onuň ýerine patyşa boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Nadap*

25 Ýahuda patyşasy Asanyň patyşa-
lygynyň ikinji ýylynda Ýarobgamyň
ogly Nadap Ysraýyla patyşa boldy. Ol
Ysraýylda iki ýyl patyşalyk etdi. 26 Nadap
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri etdi.
Ol kakasynyň ysraýyl halkyna etdiren
günäli ýollaryndan ýöredi.

27 Ysakar neslinden bolan Ahyýanyň
ogly Bagşa Nadaba garşy dildüwşük
gurdy. Bagşa piliştlilere degişli bolan
Gibetonda Nadaby öldürdi, çünki Bagşa
bilen bütin ysraýyllar Gibetonyň daşy-
ny gabapdylar. 28 Şeýdip, Bagşa ýahuda
patyşasy Asanyň şalygynyň üçünji ýy-
lynda Nadaby öldürip, onuň ýerine özi
patyşa boldy. 29 Ol patyşa bolan dessine
Ýarobgamyň nesilleriniň baryny gyrdy,
Rebbiň Öz guly şiloly Ahyýa arkaly
aýdan sözüne görä, Ýarobgamyň nesil-
lerinden bir adam hem diri galdyrylman,
olaryň bary öldürildi. 30 Bu Ýarobgamyň
Ysraýyl Hudaýy Rebbiň gaharyny ge-
tirendigi zerarly, öz eden we Ysraýyla
etdiren günäleri zerarly boldy.

31 Nadabyň galan işleri we ähli eden
işleri barada ysraýyl patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr. 32 Asa bilen
ysraýyl patyşasy Bagşa bütin ömürlerini
urşup geçirdiler.

### *Ysraýyl patyşasy Bagşa*

33 Ýahuda patyşasy Asanyň şalygynyň
üçünji ýylynda Ahyýanyň ogly Bagşa
Tirsada bütin Ysraýylyň üstünden pa-
tyşalyk edip, ýigrimi dört ýyl höküm
sürdi. 34 Bagşa hem Ýarobgam ýaly Ys-
raýyla günä etdirip, Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi.

## 16-njy bap

1 Bagşa garşy Hananynyň ogly Ýehu-
wa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Sen
hiç kimdiň, emma Men seni halkym
ysraýyla patyşa etdim. Sen Ýarobgamyň
ýolundan ýöräp, halkym ysraýyla günä
etdirip, olaryň günäleri bilen meniň
gaharymy getirdiň. 3 Şonuň üçin hem
Men Bagşany we onuň bütin nesillerini
Nebadyň ogly Ýarobgamyň nesilleri ýa-
ly ýok ederin. 4 Bagşanyň nesillerinden
galada ölenlerini itler, düzde ölenlerini
guşlar iýer».

5 Bagşanyň galan işleri, onuň eder-
menlikleri barada ysraýyl patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr. 6 Bagşa
ata-babalaryna gowuşdy. Ol Tirsada
ata-babalarynyň ýanynda jaýlandy. Ogly
Ela onuň ýerine patyşa boldy. 7 Hana-
nynyň ogly Ýehu pygambere Bagşa we

onuň nesillerine garşy Rebbiň şu sözi
aýan boldy. Çünki Bagşa Ýarobgamyň
nesilleri ýaly hereket etdi we Ýarob-
gamyň nesillerini öldürdi. Şeýdip, ol
Rebbiň ýigrenýän işlerini edip, öz pis
işleri bilen Onuň gaharyny getiripdi.

### *Ysraýyl patyşasy Ela*

8 Ýahuda patyşasy Asanyň şalygynyň
ýigrimi altynjy ýylynda Bagşanyň ogly
Ela Tirsada Ysraýyla patyşa bolup, iki
ýyl şalyk sürdi. 9 Ela Tirsada öz köşk
emeldary Arsanyň öýünde serhoş bolup
otyrka, Zimri oňa garşy dildüwşük gurdy.
Zimri söweş arabalarynyň ýarysynyň
serkerdesidi. 10 Zimri gelip, Elany öldürdi
we özi onuň ornuna patyşa boldy. Bu wa-
ka Ýahuda patyşasy Asanyň şalygynyň
ýigrimi ýedinji ýylynda bolup geçdi.
11 Zimri patyşa bolup, Elanyň tagtynda
oturan badyna, Bagşanyň bütin nesil-
lerinden, dogan-garyndaşlaryndan we
dost-ýarlaryndan bolan bar erkegi öl-
dürdi. 12 Şeýdip, Zimri Bagşanyň ähli
nesillerini ýok etdi. Rebbiň Ýehu py-
gamberiň üsti bilen Bagşa garşy aýdan
sözleri berjaý boldy. 13 Çünki Bagşa we
onuň ogly Ela butlar ýasap, günä etdiler
we olar ysraýyl halkyna-da günä etdirip,
Ysraýyl Hudaýy Rebbi gazaplandyrdy-
lar. 14 Elanyň galan işleri we ähli eden
işleri barada ysraýyl patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr.

### *Ysraýyl patyşasy Zimri*

15 Ýahuda patyşasy Asanyň patyşaly-
gynyň ýigrimi ýedinji ýylynda Zimri
Tirsada ýedi gün patyşalyk etdi. Ysra-
ýyl goşunlary piliştlilere degişli bolan
Gibeton galasynyň daşyny gabapdylar.
16 Düşelgedäki goşunlar Zimriniň Ela
patyşa garşy dildüwşük edip, ony öldü-
rendigi baradaky habary eşidenlerinde,
ysraýyl halky goşunbaşy Omryny düşel-
gede Ysraýyla patyşa etdiler. 17 Şeýdip,
Omry bütin ysraýyl halky bilen Gibeton
galasyndan çykyp, Tirsanyň daşyny
gabadylar. 18 Zimri galanyň basylyp al-
nanyny görende, patyşa köşgüniň içki
galasyna girip, patyşanyň köşgüne ot
berip, oda ýanyp öldi. 19 Zimri Ýarobga-
myň ýolundan ýöräp, Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi. Ol öz eden günäleri
we Ysraýyla etdiren günäleri üçin öldi.
20 Zimriniň galan işleri we guran dil-
düwşügi barada ysraýyl patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr.

### *Ysraýyl patyşasy Omry*

21 Zimri ölenden soň, ysraýyl halky iki
bölege bölündi. Halkyň ýarysy Ginatyň
ogly Tibnini patyşa etjek bolup, onuň
yzyna eýerdi, galan ýarysy bolsa Om-
rynyň yzyna eýerdi. 22 Omrynyň yzyna
eýeren halk, Ginatyň ogly Tibniniň yzy-
na eýeren halkdan güýçli bolup çykdy.
Şeýdip, Tibni ölüp, Omry onuň ornuna
patyşa boldy. 23 Ýahuda patyşasy Asanyň
şalygynyň otuz birinji ýylynda Omry
Ysraýyla patyşa bolup, on iki ýyl şalyk
etdi. Omry Tirsada alty ýyl şalyk sürdi.
24 Omry Samariýa baýyrlygyny Şemer-
den üç ýarym batman[a] kümşe satyn alyp,
baýyrlykda şäher gurup, baýyrlygyň
eýesi Şemeriň adyna görä guran şähe-
rine Samariýa diýip at dakdy.
25 Omry Rebbiň nazarynda ýigrenji
işleri etdi. Onuň eden pis işleri özünden
öňki patyşalaryň ählisiniňkiden çökder
boldy. 26 Omry Nebadyň ogly Ýarobgam
ýaly günä etdi. Ol ysraýyl halkyna-da
günä etdirip, Ysraýyl Hudaýy Rebbi

[a] **16:24** ***Üç ýarym batman*** – ýewreýçe *iki kikkar*. Bu takm. 70 kg deňdir.

gazaplandyrdy. 27Omrynyň eden beý-
leki işleri we görkezen gaýduwsyzlygy
hem edermenligi barada ysraýyl paty-
şalarynyň ýyl ýazgylarynda ýazylandyr.
28Omry ata-babalaryna gowuşdy. Ol
Samariýada ata-babalarynyň ýanynda
jaýlandy. Ogly Ahap onuň ýerine pa-
tyşa boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Ahap*

29Ýahuda patyşasy Asanyň patyşaly-
gynyň otuz sekizinji ýylynda Omrynyň
ogly Ahap Ysraýyla patyşa bolup, Sa-
mariýada ýigrimi iki ýyl şalyk sürdi.
30Ahap Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri
etdi. Onuň eden pis işleri özünden öňki
patyşalaryň ählisiniňkiden çökder boldy.
31Ahaba Nebadyň ogly Ýarobgamyň
günäli ýollaryndan ýöremekligiň özem
ýeterlikdi, ýöne ol onuň üstesine sidon-
lylaryň patyşasy Etbagalyň gyzy Izebele
öýlenip, Bagala sežde etdi. 32Ahap Sama-
riýada Bagal üçin guran buthanasynda
Bagal üçin gurbanlyk sypasyny gurdy.
33Ahap hem aýal hudaýy Aşera butuny
ýasady. Ahap Ysraýyl Hudaýy Reb-
biň gaharyny getirmekde Ysraýylyň
özünden öňki patyşalarynyň baryndan
ozdurdy. 34Ahabyň döwründe beýtelli
Hiýel Ýerihony täzeden dikeltdi. Hiýel
onuň düýbüni tutanda, nowbahar ogly
Abyramy gurbanlyk etdi. Ýerihonyň
derwezelerini oturdanda, ol iň kiçi ogly
Seguby gurbanlyk berdi. Şeýdip, Reb-
biň Nun ogly Ýeşuwa arkaly aýdan sözi
berjaý boldy.

## 17-nji bap

### *Ylýas pygamberiň gurakçylyk hakyndaky habary*

1Gilgatda ýaşaýan tişbeli Ylýas Aha-
ba şeýle diýdi: «Men özümiň gulluk
edýän Ysraýyl Hudaýy Rebden ant
içýärin. Tä men buýruk berýänçäm,
ýurtda iki-üç ýyllap ne çyg bolar, ne-de
ýagyn». 2Ylýasa Rebbiň şu sözi aýan
boldy: 3«Bu ýerden gündogara git-de,
Iordanyň gündogaryndaky Kerit çeş-
mesiniň boýunda gizlen. 4Sen çeşme
suwundan içersiň. Ol ýerde gargalara
seni iýmitlendirmegi tabşyrandyryn».
5Ylýas Rebbiň tabşyryşy ýaly etdi. Ol gi-
dip, Iordan derýasynyň gündogaryndaky
Kerit çeşmesiniň boýunda mesgen tutdy.
6Gargalar Ylýasa ertirine-de, agşamy-
na-da çörek bilen et getirip berýärdiler,
ol çeşmäniň suwundan içýärdi. 7Wag-
tyň geçmegi bilen çeşme gurady, çünki
ýurda ýagyş ýaganokdy.

### *Ylýas pygamber we sarepatly dul hatyn*

8Ylýasa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
9«Tur, Sidonyň Sarepat galasyna bar-da,
şol ýerde mesgen tut, çünki ol ýerde Men
bir dul hatyna seni iýmitlendirmegi tab-
şyrandyryn». 10Şeýdip, Ylýas Sarepata
gitdi. Ol galanyň derwezesine geldi, gör-
se, ol ýerde bir dul aýal çöpleme çöpläp
ýördi. Ol aýaly çagyryp, oňa: «Maňa
içmäge bir käse suw getiräý» diýdi. 11Ol
aýal suw getirmäge barýarka, Ylýas ony
yzyna çagyryp: «Bir döwüm çörek hem
alyp gelsene» diýdi. 12Ol aýal, Ylýasa
şeýle jogap berdi: «Hudaýyň Rebden ant
içýärin, mende çörek ýok. Mende diňe
haltaň düýbündäki bir goşawuç un bilen
golçada biraz ýag bar. Ine, men häzir öýe
gidip, şol barja un bilen özüm hem oglum
üçin külçe bişirmek üçin çöpleme çöp-
läp ýörün. Biz ony iýeris, onsoň öleris».
13Ylýas oňa şeýle diýdi: «Sen alada etme.
Bar öýüňe git-de, çöregiňi bişir. Şol barja
unuňdan sen öňürti maňa bir kiçijik çörek
bişirip getir. Ondan soň unuň galanyndan

özüň we ogluň üçin çörek bişirersiň.
[14]Çünki Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diý-
ýär: „Rebbiň ýagyş ýagdyrjak gününe
çenli haltadaky un tükenmez, golçadaky
ýag egsilmez“». [15]Bu aýal gidip, Ylýasyň
aýdyşy ýaly etdi. Ylýas bilen ýaňky aýal
we onuň öý-içerisi bir goşawuç uny uzak
wagtlap iýdiler. [16]Şeýdip, Rebbiň Ylýas
arkaly aýdan sözi berjaý bolup, haltadaky
un tükenmedi, golçadaky ýag egsilmedi.

[17]Birnäçe wagt geçenden soň, ýaňky
hojaýyn aýalyň ogly syrkawlady. Ogla-
nyň haly ýaramazlaşyp, ol aradan çykdy.
[18]Onsoň ol aýal Ylýasa: «Eý, Hudaýyň
adamy, meniň bilen näme işiň bar? Sen
maňa günämi ýatladyp, meniň oglumy öl-
dürmäge geldiňmi?» diýdi. [19]Ylýas hem
oňa: «Ogluňy maňa ber» diýdi. Ylýas
oglany aýalyň gujagyndan alyp, ony öz
bolýan ýokarky gatdaky otagyna getirip,
öz düşeginde ýatyrdy. [20]Soňra ol Rebbe
ýalbaryp, dileg etdi: «Eý, Hudaýym Reb,
Sen näme üçin bu dul hatynyň başyna be-
la getirdiň? Ol maňa öz öýünden ýer berdi,
Sen bolsa onuň ogluny öldürýärsiň!»
[21]Onsoň ol üç gezek çaganyň üstünde
ýazylyp ýatdy-da, Rebbe ýalbaryp dileg
etdi: «Eý, Hudaýym Reb, Saňa ýalbar-
ýaryn, bu çagany direlt». [22]Reb Ylýasyň
dilegini eşitdi we çaga direldi. [23]Ylýas
çagany ýokarky otagdan getirip, ejesi-
ne berdi. Ylýas oglanyň ejesine: «Seret,
seniň ogluň direldi» diýdi. [24]Onsoň ol
aýal Ylýasa: «Men indi seniň Hudaýyň
adamydygyňy, Rebbiň sen arkaly aýdan
sözüniň hakykatdygyny bilýärin» diýdi.

## 18-nji bap

### *Ylýas pygamber we Bagalyň pygamberleri*

[1]Birnäçe wagt geçenden soň, gurak-
lygyň üçünji ýylynda, Reb Ylýasa şeýle
diýýär: «Bar, Ahabyň ýanyna git; Men
ýurda ýagyş ýagdyrjak». [2]Şeýdip, Ylýas
Ahabyň ýanyna gitdi. Samariýada açlyk
gaty gazaplydy. [3-4]Ahap köşgi dolan-
dyrýan Abadýany çagyrdy. (Abadýa
bütin kalby bilen Rebbe ybadat edýärdi.
Izebel Rebbiň pygamberlerini öldür-
ýärkä, Abadýa ýüz pygamberi äkidip,
elli-elliden iki gowakda gizläp, çörek,
suw bilen üpjün edipdi.) [5]Onsoň Ahap
Abadýa şeýle diýdi: «Sen git-de, ýurduň
bütin çeşmelerine, bütin ýaplaryna aý-
lan, belki, ot tapyp, atlary, gatyrlary we
mal-garany horlamarys». [6]Şeýdip, olar
aýlanmak üçin ýurdy öz aralarynda
paýlaşdylar. Ahabyň we Abadýanyň
hersi bir tarapa gitdiler.

[7]Abadýa ýolda Ylýas pygambere
duşdy. Abadýa ony tanap, öňünde baş
egip, oňa şeýle diýdi: «Jenabym Ylýas,
bu senmisiň?» [8]Ylýas oňa: «Hawa, bu
mendirin, bar, sen git-de, öz jenabyňa
Ylýas şu ýerde diýip aýt» diýdi. [9]Abadýa
oňa şeýle jogap berdi: «Guluňy Ahabyň
eline berip öldüreriň ýaly men näme
günä etdim? [10]Hudaýyň Rebden ant iç-
ýärin, jenap patyşanyň seni idäp, adam
ibermedik ýurdy galmady. Her ýurduň
baştutany: „Ylýas bu ýurtda däl“ diýip
habar berende, Ahap oňa ant içirdi. [11]Ýö-
ne häzir sen maňa: „Bar-da, jenabyňa
Ylýas şu ýerde diýip aýt“ diýýärsiň.
[12]Men seniň ýanyňdan giden badyma,
Rebbiň Ruhy seni äkider, men-de se-
niň nirededigiňi bilmerin. Şeýdip, men
baryp, Ahaba seniň bardygyňy aýtsam,
ol-da seni tapmasa, meni öldürer. Guluň
ýaşlygyndan bäri bütin kalby bilen Reb-
be ybadat edip gelýär. [13]Izebel Rebbiň
pygamberlerini öldürende, ýüz adamy
elli-elliden iki gowakda gizläp, olary
çörek we suw bilen üpjün edenim jena-
byma aýtmadylarmy näme? [14]Sen indi:

„Bar-da, jenabyňa Ylýas şu ýerde diýip
aýt diýýärsiň“. Ol meni hökman öldü-
rer». 15 Ylýas: «Gulluk edýän Hudaýym
Hökmürowan Rebden ant içýärin, men
şu gün oňa hökman görnerin» diýdi.
16 Şeýdip, Abadýa Ahabyň ýanyna gidip,
oňa Ylýas barada habar berdi. Ahap
Ylýas pygamberiň ýanyna gitdi.
17 Ahap Ylýasy görüp, oňa: «Ysraýyl
halkyny biynjalyk edýän senmisiň?»
diýdi. 18 Ylýas oňa şeýle jogap berdi:
«Ysraýyl halkyny biynjalyk edýän men
däldirin. Sen we seniň ata-babalaryň
Rebbiň tabşyryklaryny terk edip, Baga-
lyň yzyna eýerdiňiz. 19 Şonuň üçin hem
sen häzir bütin ysraýyllary, Izebeliň
goldaýan dört ýüz elli Bagal butunyň
pygamberlerini we dört ýüz Aşera bu-
tunyň pygamberlerini Karmel dagyna,
meniň ýanyma ýygna».
20 Şeýdip, Ahap bütin ysraýyl halky-
na çaparlar ýollap, ähli pygamberleri
Karmel dagyna ýygnady. 21 Ylýas bü-
tin halka golaý gelip, şeýle diýdi: «Siz
haçana çenli iki göwünli bolup, yraň
atyp ýörjeksiňiz? Eger Reb Hudaý bol-
sa, onda Onuň yzyna eýeriň, eger-de
Bagal hudaý bolýan bolsa, onda onuň
yzyna eýeriň». Halk oňa hiç hili jogap
gaýtarmady. 22 Soňra Ylýas halka şeýle
diýdi: «Rebbiň pygamberlerinden men,
diňe men galdym, ýöne Bagalyň pygam-
berleri dört ýüz ellidir. 23 Goý, bize iki
öküz bersinler. Bagalyň pygamberleri bir
öküzi saýlap alyp, ony dograp, odunyň
üstünde goýsunlar, ýöne ot ýakmasyn-
lar; men hem beýleki öküzi taýýarlap,
ony odunyň üstünde goýaryn, ýöne ot
ýakmaryn. 24 Onsoň siz öz hudaýyňyza,
men hem Rebbe dileg ederin. Haýsy
hudaý ot bilen jogap berse, şol hakyky
Hudaýdyr». Bütin halk bu pikiri ma-
kullady. 25 Onsoň Ylýas Bagal butunyň
pygamberlerine şeýle diýdi: «Özüňize bir
öküz saýlaň-da, siz ony öňürti taýýarlaň,
çünki siz köp. Onsoň hudaýyňyza dileg
ediň, ýöne ot ýakmaň». 26 Şeýdip, olar
özlerine berlen öküzi alyp taýýarlap,
ertirden günortana çenli Bagaldan dileg
edip, gygyryşyp: «Eý, Bagal, bize jogap
ber!» diýip, özleriniň guran gurbanlyk
sypasynyň töwereginde bökjekleşip,
tans etmeklerini dowam etdiler, ýöne
ses-üýn bolmady, jogap beren-de bolma-
dy. 27 Ylýas günortan olary masgaralap,
şeýle diýdi: «Batly gygyryň! Çünki ol
hudaýdyr, belki, ol pikirlenýändir ýa-da
aýak ýoluna çykandyr ýa-da syýahat
etmäge gidendir, belki-de, ol ukudadyr,
ony oýarmak gerekdir». 28 Onsoň olar
batly ses bilen gygyryşyp, öz adatlaryna
görä, bedenlerinden gan akýança, gylyç-
lar, naýzalar bilen özlerini ýaraladylar.
29 Wagt öýleden agyp, agşam gurbanlygy
hödürlenmeli wagta çenli, olar uly goh-
galmagal bilen tans edip, pygamberlik
eden boldular, ýöne ses-üýn bolmady,
jogap beren-de bolmady.
30 Onsoň Ylýas bütin halka: «Meniň
ýanyma geliň» diýdi. Olar onuň ýa-
nyna geldiler. Ylýas ilki bilen Rebbiň
ýykylan gurbanlyk sypasyny dikeltdi.
31 Ylýas Ýakubyň ogullarynyň tirele-
riniň sanyna görä on iki sany daş aldy,
çünki Ýakuba Rebbiň «Seniň adyň Ys-
raýyl bolar» diýen sözi gelipdi. 32 Ol şol
daşlardan Rebbe gurbanlyk sypasyny
gurdy. Soňra ol gurbanlyk sypasynyň
töwereginde iki kersen tohum sygjak
çukur gazdy. 33 Ondan soň ol odunlary
bir ýere üýşürip, öküzi soýup bölekle-
di-de, olary odunlaryň üstünde goýdy.
Soňra ol: «Dört çelegi suwdan doldu-
ryň-da, olary ýakma gurbanlygynyň
üstüne we odunlaryň üstüne döküň»
diýdi. 34 Ylýas pygamber: «Muny ýene

bir gezek gaýtalaň» diýdi. Olar suwy
ikinji gezek gaýtalap guýdular. Ol: «Mu-
ny üçünji gezek gaýtalaň» diýdi. Olar
suwy üçünji gezek guýdular. 35 Şeýdip,
suw gurbanlyk sypasynyň töweregine
akyp, çukury doldurdy.

36 Agşam gurbanlyk hödürlenmeli
wagty Ylýas pygamber gurbanlyk sy-
pasyna golaý gelip, şeýle dileg etdi:
«Eý, Ybraýymyň, Yshagyň, Ysraýylyň
Hudaýy Reb, bu gün Sen Ysraýylda
Hudaýdygyňy, meniň guluňdygymy,
meniň bu ähli zatlary Seniň tabşyrygyň
bilen edýändigimi subut et. 37 Dilegimi
eşit, ýa Reb, maňa jogap ber! Bu halk
Sen Rebbiň Hudaýdygyňy we olary yz-
laryna, Özüňe çagyrýandygyňy bilsin».
38 Şeýdip, Reb aşak ot inderip, ýakma
gurbanlygyny, odunlary, daşlary we
topragy ýandyrdy, hatda çukurdaky
suwy-da guradyp taşlady. 39 Bütin halk
muny görüp, ýüzin ýykylyp: «Reb Hu-
daýdyr! Reb Hudaýdyr!» diýdi. 40 Ylýas
olara: «Bagalyň pygamberlerini tutuň,
olaryň ýekejesi-de gaçmasyn» diýdi.
Adamlar olaryň baryny tutdular. Ylýas
Bagalyň pygamberlerini Kişon çeşmesi-
ne getirip, olary şol ýerde öldürdi.

### *Gurakçylygyň soňy*

41 Ylýas Ahaba: «Git-de, iýip-iç, çünki
güýçli ýagşyň sesi gelýär» diýdi. 42 Şeý-
dip, Ahap iýip-içmäge gitdi. Ylýas
pygamber bolsa Karmel dagynyň çür
depesine çykyp, iki bükülip, kellesini
dyzlarynyň arasynda goýdy. 43 Ylýas
pygamber öz hyzmatkärine: «Bar, deň-
ze tarap seret» diýdi. Hyzmatkär deňze
tarap seretdi-de: «Ol ýerde görünýän
zat ýok» diýdi. Ol hyzmatkärine şol
bir hereketi ýedi gezek gaýtalamagy
buýurdy. 44 Ýedinji gezekde hyzmatkär:
«Seret, deňizden eliň aýasy kimin bir
bölejik bulut ýokary galyp barýar» diýdi.
Onsoň Ylýas pygamber hyzmatkärine:
«Git-de, Ahaba at arabasyny taýýarlap,
öýüne gitmegini tabşyr, ýogsam ýagyş
ony ýolundan saklar» diýdi. 45 Bir sa-
lymdan soň asmanyň ýüzüni gara bulut
büräp, ýel turup, güýçli ýagyş ýagdy.
Ahap arabasyna münüp, Ýizregel gala-
syna gitdi. 46 Ylýasa Rebbiň güýji geldi.
Ol donuny biline guşap, tä Ýizregeliň
derwezesine çenli uzak ýola Ahabyň
öňünden ylgap gitdi.

## 19-njy bap

### *Ylýas pygamber Sinaý dagynda*

1 Ahap Ylýasyň bar eden zatlary, py-
gamberleri nädip gylyç bilen öldürendigi
barada aýaly Izebele gürrüň berdi. 2 On-
soň Izebel Ylýasa çapar ýollap: «Ertir
şu wagtlar men seniň özüňi hem şol
öldürilen pygamberleriň gününe sal-
masam, goý, onda hudaýlar maňa-da
muny we mundanam beterini görkezsin»
diýdi. 3 Ylýas bu habary eşidip gork-
dy. Ol öz janyny gutarmak üçin gaçyp,
Ýahudanyň Beýerşeba galasyna geldi.
Ol hyzmatkärini şol ýerde galdyrdy.
4 Ylýas pygamberiň özi bolsa çölde bir
günlük ýol ýöräp, gelip, bir gyrymsy
sübse agajynyň aşagynda oturdy-da, öz
ölümini diläp: «Besdir, ýa Reb, indi me-
niň janymy al, çünki men atalarymdan
gowy däldirin» diýdi. 5 Soňra ol gyrymsy
sübse agajynyň aşagynda ýatdy-da, uka
gitdi. Ine, birdenkä bir perişde Ylýasy
yrap: «Tur-da, iýip-iç» diýdi. 6 Ylýas
pygamber töweregine garanjaklady. Ine,
görse, onuň başujunda gyzgyn daşyň
üstünde bişirilen çörek bilen bir küýze
suw bardy. Ol iýip-içip, ýene-de ýatdy.
7 Rebbiň perişdesi ikinji gezek gelip,
ony yrap: «Tur-da, iýip-iç, ýogsam bu

syýahat gaty uzak we kyn bolar» diýdi.
8 Ylýas pygamber turup iýip-içdi. Onsoň
ol naharyň güýjüne kyrk gije-gündizläp
ýol ýöräp, Hudaýyň dagy Horebe [a] geldi.
9 Ylýas pygamber ol ýerde bir gowaga
girip, gijäni şol ýerde geçirdi.

Onsoň Ylýasa Rebbiň şu sözi aýan
boldy: «Ylýas, sen bu ýerde näme işläp
ýörsüň?» 10 Ylýas Oňa şeýle jogap berdi:
«Men Hökmürowan Hudaý Rebbe gaty
wepaly boldum. Ysraýyllar Seniň ähtiňi
unudyp, Seniň gurbanlyk sypalaryňy
ýykyp, Seniň pygamberleriňi öldürdiler.
Meniň diňe ýeke özüm galdym. Olar
şu wagt meniň janyma kast etmek üçin
meni yzarlap ýörler».

11 Reb Ylýasa: «Daşary çyk-da, dagda
Meniň huzurymda dur, çünki Men-Reb
şol ýerden geçerin» diýdi. Rebbiň öňün-
de daglary, daşlary ýarýan şeýle bir
güýçli ýel turdy, ýöne Reb ýeliň içinde
geplemedi. Ýelden soň ýertitreme boldy,
ýöne Reb ýertitremede hem gepleme-
di. 12 Ýertitremeden soň ot geldi, ýöne
Reb oduň içinde-de geplemedi. Otdan
soň mylaýym, pessaý ses geldi. 13 Ylýas
muny eşidende, ýüzüni donuna büräp,
daşary çykyp, gowagyň agzynda durdy.
Ine, bir ses gelip, oňa: «Ylýas, sen bu
ýerde näme işläp ýörsüň?» diýdi. 14 Yl-
ýas Oňa şeýle diýip jogap berdi: «Men
Hökmürowan Hudaý Rebbe gaty wepaly
boldum, çünki ysraýyllar Seniň ähtiňi
unudyp, Seniň gurbanlyk sypalaryňy
ýykyp, pygamberleriňi öldürdiler. Indi
men ýeke galdym. Olar meniň janyma
kast etmek üçin meni yzarlap ýörler».
15 Onsoň Reb Ylýas pygambere şeýle
diýdi: «Bar, çöl ýoly bilen yzyňa git-de,
Damaska sowul. Ol ýere bar-da, Haza-
ýylyň başyna ýag guýup, ony Siriýanyň
üstünden patyşalyga saýla. 16 Şeýle hem
Nimşiniň ogly Ýehuwyň başyna ýag
guýup, ony Ysraýylyň üstünden pa-
tyşalyga saýla; Abelmeholadan bolan
Şapatyň ogly Elýaşanyň başyna ýag
guýup, ony öz ornuňa pygamberlige
saýla. 17 Hazaýylyň gylyjyndan gutula-
ny Ýehu öldürer, Ýehuwyň gylyjyndan
gutulany bolsa Elýaşa öldürer. 18 Men
Ysraýylda Bagal butuna sežde etmedik,
ony öpmedik ýedi müň adamy aman
galdyraryn».

### *Elýaşa Ylýas pygamberiň şägirdi bolýar*

19 Şeýdip, Ylýas ol ýerden gidip, Şapa-
tyň ogly Elýaşany tapdy. Ol ýer sürüp
ýördi. Onuň öňünde on iki jübüt öküz
bardy. Elýaşa on ikinji jübütiň ýanynda-
dy. Onuň ýanyndan geçende, Ylýas öz
donuny onuň egnine atdy. 20 Elýaşa öküz-
lerini taşlap, Ylýasyň yzyndan ylgady.
Elýaşa Ylýasa: «Men öňürti enem-atam
bilen hoşlaşaýyn, onsoň seniň yzyňa dü-
şeýin» diýdi. Ylýas oňa: «Bar, gidiber,
ýöne sen meniň eden işimiň näme aň-
ladýandygyny bilýänsiň» diýdi. 21 Elýaşa
Ylýas pygamberiň ýanyndan gaýdyp, bir
jübüt öküziň boýuntyryklaryny aýryp,
olaryň damagyny çaldy. Azalyň agaç-
laryny ýakyp, öküzleriň etlerini bişirip,
halka paýlady, halk ony iýdi. Ondan soň
Elýaşa gidip, Ylýas pygamberiň yzyna
eýerip, onuň şägirdi boldy.

## 20-nji bap

### *Benhadat Samariýa hüjüm edýär*

1 Siriýanyň patyşasy Benhadat özüniň
bütin goşunyny toplady. Onuň ýanyn-
da atlar, söweş arabalary bilen birlikde

[a] **19:8** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

otuz iki sany han bardy. Ol Samariýa
garşy ýöriş edip, onuň daşyny gabap,
gala hüjüm etdi. 2 Benhadat gala ysraýyl
patyşasy Ahaba çaparlardan şeýle ha-
bar ýollady. 3 Benhadat Ahaba: «Seniň
kümşüň, altynyň meniňkidir; seniň iň
owadan aýallaryň we iň güýçli ogul-
laryň-da meniňkidir» diýdi. 4 Ysraýyl
patyşasy Ahap Benhadada şeýle jogap
berdi: «Eý, meniň jenap patyşam, seniň
aýdyşyň ýaly bolar; men we meniň ähli
zadym seniňkidir». 5 Çaparlar ýene-de
Ahabyň ýanyna dolanyp gelip: «Ben-
hadat şeýle diýýär diýdiler: „Men saňa
adam iberip, kümşüňi, altynyňy, aýal-
laryňy, çagalaryňy maňa getirip ber
diýdim. 6 Muňa garamazdan, men ertir
şu wagtlar emeldarlarymy seniň ýanyňa
ibererin. Olar seniň köşgüňi we seniň
adamlaryň öýlerini döküp, gözlerine
ýakan zatlaryny alyp gaýdarlar“» diýdi.

7 Onsoň ysraýyl patyşasy ýurduň ähli
ýaşulularyny çagyryp, olara şeýle ýüz-
lendi: «Serediň! Bu adam pislik agtarýar!
Ol çaparlar ýollap, meniň aýallarymy,
ogullarymy, altyn-kümşümi talap etdi,
men-de boýun gaçyrmadym». 8 Onsoň
ähli ýaşulular we halk Ahaba: «Benhada-
da gulak asma we onuň bilen ylalaşma»
diýdiler. 9 Şeýlelik bilen Ahap Benhada-
dyň çaparlaryna şeýle diýdi: «Jenabym
patyşa şeýle diýiň: „Bu guluňdan ilki
soran zatlaryňy bererin, ýöne seniň me-
niň köşgümi we ähli adamlaryň öýlerini
döküp, gözüňe ýakan zatlaryňy alyp
gitmek pikiriň bilen ylalaşmaýaryn“».
Çaparlar gidip, oňa bu jogaby ýetirdiler.
10 Benhadat ýene-de çaparlaryny Ahabyň
ýanyna ýollap, şeýle diýdi: «Men Sama-
riýany ýer bilen ýegsan etmek üçin ägirt
uly goşun getirerin. Eger Samariýadan
esgerlerimiň owuçlaryny doldurmaga
ýeterlik toz tapylsa, goý, onda hudaýlar
maňa muny we mundanam beterini
görkezsin». 11 Ysraýylyň patyşasy Benha-
dada şeýle jogap berdi: «Söweşe ugraýan
söweşden üstün çykyp, yzyna dolanyp
gelýän esger kimin öwünmeli däldir».
12 Benhadat bu habary eşidende, hanlar
bilen çadyrda şerap içip otyrdy. Ol öz
esgerlerine: «Nyzama duruň» diýdi. Olar
gala hüjüm etmäge nyzama durdular.

13 Şol wagt bir pygamber ysraýyl patyşa-
sy Ahabyň ýanyna baryp, Reb saňa şeýle
diýýär: «Bu ägirt uly goşuny görýärsiň-
mi? Şu gün Men ony seniň eliňe berýärin.
Ana, şonda sen Meniň Rebdigimi biler-
siň» diýdi. 14 Ahap ol pygamberden: «Bu
ýeňiş kimiň üsti bilen gazanylar?» diýip
sorady. Ol pygamber: «Bu ýeňiş welaýat
häkimleriniň hyzmatyndaky ýaş esger-
leriň üsti bilen gazanylar» diýip jogap
berdi. Onsoň Ahap: «Urşy kim başlar?»
diýip sorady. Pygamber: «Sen başlarsyň»
diýip jogap berdi. 15 Onsoň Ahap welaýat
häkimleriniň hyzmatyndaky ýaş esgerleri
toplady, olar iki ýüz otuz ikidiler. Ondan
soň ol Ysraýylyň bütin goşunyny toplady,
olar ýedi müňdüler.

16-17 Welaýat häkimleriniň hyzma-
tyndaky ýaş esgerler günortan hüjüme
başladylar. Benhadat bolsa özi bilen
ylalaşyk baglaşan otuz iki patyşa bilen
çadyrda şerap içip, serhoş bolup otyrdy.
Benhadadyň Samariýa iberen esgerleri
oňa: «Bir topar esgerler Samariýadan
çykyp gelýärler» diýip habar berdiler.
18 Benhadat: «Ýaraşyk üçin gelenem
bolsalar, uruşmak üçin gelenem bolsalar
olary diri tutuň» diýdi.

19 Welaýat häkimleriniň hyzmatyndaky
ýaş esgerler eýýäm ýörişe çykypdylar. Ys-
raýyl goşuny-da olaryň yzy bilen gelýärdi.
20 Olaryň hersi öz garşydaşyny öldürdi. Si-
riýalylar gaçdylar, ysraýyl goşuny olaryň
yzlaryndan kowdy. Siriýa patyşasy Ben-

hadat atly beýleki söweş arabaly goşuny
bilen gaçyp gutuldy. 21 Ysraýyl patyşa-
sy Ahabyň baştutanlygyndaky ysraýyl
goşuny ýörişe çykyp, siriýalylaryň atly
goşunynyň we söweş arabalarynyň üstü-
ne çozup, olary derbi-dagyn etdi.
22 Soňra pygamber ysraýyl patyşa-
synyň ýanyna gelip, oňa şeýle diýdi:
«Git-de, güýç topla, seresaply meýil-
nama düz, çünki indiki baharda Siriýa
patyşasy Benhadat täzeden seniň üstüňe
hüjüm eder».

### *Benhadadyň ikinji çozuşy*

23 Siriýa patyşasynyň emeldarlary oňa
şeýle diýdiler: «Ysraýyllaryň hudaýlary
baýyrlaryň hudaýlary bolansoň, olar
bizden güýçli çykdylar. Eger olar bilen
düzlükde uruşsak, biz hökman olardan
güýçli çykarys. 24 Sen şeýle hem pa-
tyşalary aýryp, olaryň ýerine welaýat
häkimlerini belle. 25 Söweşde ýitiren
uly goşunyň ýaly, täzeden, şol bir muk-
dardaky atly we söweş arabaly ägirt uly
goşun topla. Soňra olar bilen düzlükde
uruş ederis, biz hökman olardan üstün
çykarys». Patyşa olaryň sözüni diňläp,
aýdyşlary ýaly hem etdi.
26 Bahar paslynda Benhadat Siriýa go-
şunyny toplap, Ysraýylyň garşysyna uruş
etmek üçin Apege gitdi. 27 Ysraýyl goşuny
toplanyp, azyk bilen üpjün edilenden soň,
olar siriýalylaryň garşysyna çykdylar.
Ysraýyllar olaryň garşysynda iki hatar
kiçi geçi sürüsi kimin nyzama durdular.
Siriýalylaryň goşuny bolsa tutuş düzlügi
doldurdy. 28 Hudaýyň adamy Ysraýylyň
patyşasynyň ýanyna gelip, Reb şeýle
diýýär: «Siriýalylaryň: „Reb baýyr hu-
daýydyr, düz hudaýy däldir“ diýendikleri
üçin, Men bu ägirt uly goşuny seniň eliňe
berýärin. Ana, şonda sen Meniň Rebdi-
gimi bilersiň» diýdi. 29 Olar ýedi günläp,
biri-biriniň garşysynda düşlediler. Onsoň
ýedinji güni uruş başlanyp, ysraýyllar bir
günüň içinde siriýalylaryň ýüz müň py-
ýada goşunyny gyrdylar. 30 Siriýalylaryň
aman galanlary Apek galasyna gaçyp
girdiler. Gala gaçyp giren ýigrimi ýedi
müň adamyň üstüne diwar ýykyldy.
Benhadat hem gala gaçyp, ol şol ýerdä-
ki bir içki otagda gizlendi. 31 Benhadadyň
emeldarlary oňa: «Ysraýylyň patyşalary,
rehimli patyşalar diýip eşitdik. Geliň, jul
geýnip, boýnumyza ýüp salyp, özümiziň
boýun egýändigimizi görkezmek üçin
ysraýyl patyşasy Ahabyň ýanyna gideliň,
belki-de, ol seni diri galdyrar» diýdiler.
32 Şeýdip, olar jul geýnip, boýunlaryna
ýüp salyp, ysraýyl patyşasynyň ýanyna
baryp: «Seniň guluň Benhadat: „Haýyş
edýärin, meni öldürme“ diýýär» diýdiler.
Ahap: «Ol entäk dirimi? Ol maňa dogan
ýalydyr» diýdi. 33 Benhadadyň emeldar-
lary patyşadan ýagşy söze garaşýardylar.
Olar patyşanyň agzyndan çykan dogan
sözüni eşiden batlaryna, ony agzyn-
dan kakyp alyp: «Hawa, Benhadat saňa
dogan ýalydyr» diýdiler. Onsoň Ahap:
«Baryň gidiň-de, Benhadady meniň ýa-
nyma getiriň» diýdi. Şeýdip, Benhadat
Ahap patyşanyň ýanyna geldi. Ahap
Benhadady öz söweş arabasyna mündür-
di. 34 Benhadat Ahaba: «Men kakamyň
seniň kakaňdan alan galalaryny yzyna
gaýtaryp bererin. Kakamyň Samariýada
bazarlar gurşy ýaly, sen hem Damaskda
özüňe bazarlar gur» diýdi. Ahap: «Eger
sen şu beren wadaňa wepaly bolsaň, men
seni boşadaryn» diýdi. Şeýdip, Ahap
Benhadat bilen äht baglaşyp, ony boşatdy.

### *Pygamber Ahaby ýazgarýar*

35 Pygamberler toparyndan bolan başga
bir pygamber Rebbiň tabşyrygy boýun-
ça öz ýoldaşyna: «Meni ur» diýdi. Ol

pygamber ony urmakdan boýun gaçyrdy.
36 Onsoň ol pygamber beýleki pygambe-
re: «Rebbiň sözüne gulak asmandygyň
üçin sen meniň ýanymdan giden badyňa,
seni bir ýolbars öldürer» diýdi. Ýaňky
pygamber beýleki pygamberiň ýanyndan
gitdi. Ýolda oňa bir ýolbars gabat gelip,
ony öldürdi. 37 Soňra ol başga bir adamy
tapyp, oňa: «Meni ur» diýdi. Şeýdip, ol
adam pygamberi urup, ony ýaralady.
38 Soňra pygamber gözlerini sargy bilen
daňyp, ýoluň boýunda patyşa garaşdy.
39 Ahap patyşa ýoldan geçip barýarka,
pygamber ony çagyryp, şeýle diýdi: «Je-
nabym, men–guluň söweş meýdanynyň
ortarasynda söweşip ýörkäm, bir esger
meniň ýanyma öz ýesir alan duşmanyny
getirip: „Şu adamy öz ýanyňda sakla.
Eger ol gaçaýsa, sen ony öz janyň bilen
ýa-da iki putdan gowrak[a] kümüş bilen
tölärsiň“ diýdi. 40 Men–guluň odur-budur
işe güýmenip ýörkä, ýaňky adam ýitirim
boldy». Ysraýyl patyşasy oňa: «Saňa
edil öz aýdyşyň ýaly jeza berler» diýdi.
41 Pygamber haýal etmän gözlerindäki
sargyny aýyrdy. Ysraýyl patyşasy bolsa
dessine onuň pygamberleriň biridigini
bildi. 42 Onsoň pygamber Ahap patyşa:
«Reb şeýle diýýär: „Meniň ölüme höküm
eden adamymy eliňden goýberendigiň
üçin seniň özüň onuň deregine ölersiň,
onuň halkynyň başyna geljek bela seniň
halkyňyň başyna geler“» diýdi. 43 Ysra-
ýylyň patyşasy Ahap ýüzüni sortduryp,
öz öýüne Samariýa gaharly gitdi.

### 21-nji bap

### *Ahap Nabodyň üzümçiligini eýeleýär*

1 Biraz wagtdan soň başga wakalar bo-
lup geçdi. Ýizregel galasynda Samariýa
patyşasy Ahabyň köşgüniň ýanynda
ýizregelli Nabodyň üzümçiligi bardy.
2 Bir gün Ahap Naboda: «Maňa gök önüm
ekmäge ýer bolar ýaly üzümçiligiňi ma-
ňa ber, çünki seniň üzümçiligiň meniň
köşgüme ýakyndyr. Men onuň deregine
saňa ondan has oňat bag bereýin. Eger
isleseň, men saňa onuň bahasyny kü-
müş bilen töläýin» diýdi. 3 Emma Nabot
Ahaba: «Ata-babalarymdan galan mirasy
saňa bermekden Hudaý saklasyn!» diýdi.
4 Ahap ýizregelli Nabodyň aýdan sözüne
ýüzüni sortduryp, gaharly halda öýüne
gaýtdy, çünki Nabot: «Atalarymyň mi-
rasyny saňa bermerin» diýipdi. Ahap
öýüne gelip, hiç zat iýip-içmezden dü-
şegine geçip, ýüzüni ters öwrüp ýatdy.
5 Aýaly Izebel Ahabyň ýanyna gelip,
ondan: «Sen hiç zat iýmän-içmän, näme
beýle ynjalyksyz görünýärsiň?» diýip
sorady. 6 Ahap aýalyna şeýle jogap berdi:
«Men ýizregelli Naboda: „Üzümçiligiňi
maňa kümşe sat ýa-da isleseň, onuň de-
regine saňa başga bir üzümçilik bereýin“
diýdim. Ol maňa: „Üzümçiligimi saňa
satjak däl“ diýdi». 7 Aýaly Izebel oňa:
«Ysraýyla patyşalyk edýän sen dälmi
näme? Tur, naharyňy iý-de, göwnüňi
hoşla; ýizregelli Nabodyň üzümçiligini
saňa meniň özüm alyp bererin».
8 Şeýdip, Izebel Ahabyň adyndan hatlar
ýazyp, olary Ahabyň möhüri bilen mö-
hürledi-de hatlary Ýizregel galasynda
ýaşaýan ýaşululara, beglere iberdi. 9 Ol
hatlarda şeýle ýazylypdy: «Agyz bek-
lemegi yglan ediň-de, Nabody halkyň
öňünde törde oturdyň. 10 Onuň gar-
şysynda hem iki sany deýýus adamy
oturdyň we olar: „Sen Hudaýy, patyşany
näletlediň“ diýip, ol barada güwälik et-
sinler. Onsoň Nabody galadan daşaryk

[a] **20:39** ***Iki putdan gowrak*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.

çykaryň-da, daşlap öldüriň». [11]Ýizregel
galasynyň adamlary, ýaşululary we beg-
leri Izebeliň özlerine iberen hatynda
tabşyryşy ýaly hem etdiler. [12]Olar agyz
beklemegi yglan edip, Nabody halkyň
öňünde hormatly ýerde oturtdylar. [13]Iki
sany deýýus gelip, onuň garşysynda
oturdy. Olar halkyň öňünde Nabot barada
güwälik edip: «Nabot Hudaýy, patyşany
näletledi» diýdiler. Şeýdip, olar Nabody
galanyň daşyna çykaryp, şol ýerde daşlap
öldürdiler. [14]Soňra olar Izebele: «Nabot
daşlanyp öldürildi» diýip habar iberdiler.

[15]Nabodyň daşlanyp öldürilendigi
baradaky habary eşiden badyna, Izebel
Ahabyň ýanyna baryp: «Git-de, ýizre-
gelli Nabodyň saňa kümşe satmakdan
boýun gaçyran üzümçiligini eýele, çün-
ki Nabot öldürildi» diýdi. [16]Ýizregelli
Nabodyň öldürilendigi barada eşiden
badyna, Ahap onuň üzümçiligini eýe-
lemäge gitdi.

[17]Onsoň tişbeli Ylýas pygambere
Rebbiň sözi aýan boldy: [18]«Sen Sama-
riýa patyşalyk edýän ysraýyl patyşasy
Ahabyň ýanyna git. Ol häzir Nabodyň
üzümçiligindedir. Ol ony öz eýeçiligine
almaga gitdi. [19]Sen oňa Reb şeýle diýýär
diý: „Sen ilki Nabody öldürdiň, indi
hem onuň üzümçiligini eýeleýäňmi?
Itler Nabodyň ganyny ýalan ýerinde
seniň hem ganyňy ýalarlar“».

[20]Ahap Ylýasa: «Hä, duşmanym me-
ni ahyry tapdyňmy?» diýdi. Ylýas oňa:
«Hawa, men seni tapdym, çünki sen
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri et-
mäge ýüz urduň! [21]Şonuň üçin hem
Reb şeýle diýýär: „Men seniň başyňdan
bela inderip, seniň ýoguňa ýanaryn!
Ysraýylda isle gul bolsun, isle-de azat,
parhy ýok, Ahabyň erkek nesilleriniň
baryny gyraryn. [22]Meniň gaharymy ge-
tirip, ysraýyl halkyna günä etdirenligiň
üçin seniň nesilleriňi-de Nebadyň ogly
Ýarobgamyň we Ahyýanyň ogly Bagşa-
nyň nesilleri ýaly ederin“. [23]Şeýle hem
Reb aýalyň Izebel barada şeýle diýýär:
„Izebeli Ýizregel galasynyň golaýynda
itler iýer. [24]Ahaba degişli bolanlaryň
galada ölenlerini itler, düzde ölenlerini
bolsa guşlar iýer“» diýdi.

[25](Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri
etmekde Ahapdan ozduran adam bol-
mandy. Ol bu pis işleri aýaly Izebeliň
itergisi bilen etdi. [26]Ahap Reb tara-
pyndan ysraýyllaryň öňünden kowup
çykarylan amorlar ýaly butlara sežde
edip, iň nejis işleri etdi.) [27]Ahap bu sözle-
ri eşidende, ýakasyny ýyrtyp, jul geýnip,
agyz bekläp, julda ýatyp, uly gama batdy.
[28]Onsoň tişbeli Ylýasa Rebbiň şu sözi
aýan boldy: [29]«Ahabyň özüni Meniň
öňümde nähili kiçeldendigini gördüňmi?
Onuň Maňa boýun egendigi üçin Men
belany Ahabyň başyna onuň günlerin-
de getirmän, ogullarynyň günlerinde
getirerin».

## 22-nji bap

***Mikaýa pygamber Ahaba duýdurýar***
*(2 Ýyl ýazgylary 18:2-27)*

[1]Üç ýyllap Siriýa bilen Ysraýylyň
arasynda hiç hili uruş bolmady. [2]Üçü-
lenji ýyl Ýahuda patyşasy Ýehoşapat
ysraýyl patyşasy Ahabyň ýanyna geldi.
[3]Ysraýyl patyşasy Ahap öz adamlaryna:
«Siz Ramotgilgadyň bize degişlidigini
bilýärsiňizmi? Ramotgilgady Siriýa
patyşasynyň elinden almak üçin biz
entek hiç zat edemzok» diýdi. [4]Ahap
Ýehoşapatdan: «Sen meniň bilen Ra-
motgilgada hüjüm etmäge gidersiňmi?»
diýip sorady. Ýehoşapat ysraýyl patyşa-
syna: «Menem, halkam, atlaram seniň
hyzmatyňdadyrys» diýip jogap berdi.

[5]Ýehoşapat sözüni dowam edip, Ysra-
ýylyň patyşasy Ahaba: «Öňürti Rebden
sorap göräý» diýdi. [6]Onsoň Ysraýylyň
patyşasy Ahap dört ýüze golaý pygam-
beri toplap, olardan: «Men Ramotgilgada
hüjüm edeýinmi ýa-da etmäýinmi?» di-
ýip sorady. Olar: «Hüjüm et, çünki Reb
ony seniň eliňe berer» diýdiler. [7]Emma
Ýehoşapat: «Bu ýerde sorar ýaly Rebbiň
başga pygamberi ýokmy?» diýdi. [8]Ysra-
ýylyň patyşasy Ahap Ýehoşapada şeýle
jogap berdi: «Rebden sorap görmäge
ýene bir pygamber bar, ol Ýymla ogly
Mikaýa, ýöne men ony ýigrenýärin. Ol
maňa hiç ýagşy zatlary pygamberlik et-
män, gaýtam diňe betbagtçylyk hakynda
pygamberlik edýär». Ýehoşapat: «Eý,
patyşa, beýle zatlary diliňe alma» diý-
di. [9]Onsoň ysraýyl patyşasy Ahap köşk
emeldaryny çagyryp: «Git-de, dessine
Ýymla ogly Mikaýany şu ýere getir»
diýdi. [10]Ysraýyl patyşasy bilen Ýahuda
patyşasy Ýehoşapat şalyk lybasyny geýip,
Samariýanyň derwezesiniň agzyndaky
harmanda öz tagtlarynda otyrdylar. Ähli
pygamberler olaryň öňünde pygamberlik
edýärdiler. [11]Kenagananyň ogly Sidkiýa
özüne demir şahlar ýasap, şuny jar etdi:
«Reb şeýle diýýär: „Sen şu şahlar bilen
siriýalylaryň üstüne hüjüm edip, olardan
üstün çykarsyň“». [12]Ähli pygamberler
şol bir zady pygamberlik edip: «Ramot-
gilgada git, sen ýeňiş gazanarsyň. Reb
ony patyşanyň eline berer» diýdiler.

[13]Mikaýany getirmäge giden çapar
oňa: «Ähli pygamberler patyşa biragyz-
dan hoş sözleri aýdýarlar; sen hem şolar
ýaly hoş sözleri aýt» diýdi. [14]Mikaýa:
«Rebden ant içýärin, Reb maňa näme
diýse, men şony hem aýdaryn» diýdi.

[15]Mikaýa patyşanyň ýanyna geldi. Pa-
tyşa ondan: «Mikaýa, biz Ramotgilgada
hüjüm edelimi ýa-da etmälimi?» diýip
sorady. Mikaýa: «Hüjüm et, sen ýeňiş
gazanarsyň. Reb ony seniň eliňe berer»
diýip jogap berdi. [16]Patyşa oňa: «Maňa
Rebbiň adyndan hakykatdan başga zat
aýtmazlygy saňa näçe gezek ant içirme-
li?» diýdi. [17]Onsoň Mikaýa: «Men bütin
ysraýyllary daglardaky çopansyz goýun
sürüsi kimin dagynyk halda gördüm.
Reb şeýle diýýär: „Bularyň baştutany
ýok, olaryň hersi sag-salamat öýüne
gaýtsyn“ diýdi». [18]Ysraýyl patyşasy
Ahap Ýehoşapada: «Men saňa ol hiç
haçan ýagşy zat hakda däl-de, eýsem,
diňe betbagtçylyk hakda pygamberlik
edýär diýip aýtmadymmy näme?» diýdi.

[19]Onsoň Mikaýa şeýle diýdi: «Şonuň
üçin hem sen Rebbiň sözüne gulak
goý. Men Rebbiň Öz tagtynda otura-
nyny, gögüň ähli goşunlarynyň Onuň
sagynda we solunda ýakyn duranyny
gördüm. [20]Reb şeýle diýdi: „Ramotgil-
gada gidip heläk bolmagy üçin, Ahaby
kim yryp biler?“ Biri bir zat diýdi,
beýlekisi başga zat. [21]Onsoň bir ruh
gelip, Rebbiň huzurynda durup, şeýle
diýdi: „Ony men yraryn“. [22]Reb ondan:
„Nädip?“ diýip sorady. Ol Rebbe: „Men
giderin-de, Ahabyň ähli pygamber-
lerini ýalan sözlederin“ diýip jogap
berdi. Onsoň Reb oňa: „Sen git-de,
ony yr, sen muny başararsyň“ diýdi.
[23]Ine, görýäňmi, Reb seniň ähli py-
gamberleriňi ýalan sözletdi. Reb seniň
başyňa bela getirer».

[24]Onsoň Kenagananyň ogly Sidkiýa
Mikaýa golaý gelip, ýaňagyna şarpyk ça-
lyp: «Reb sözüni maňa aýan etmän, saňa
aýan eder öýdýäňmi?» diýdi. [25]Mikaýa:
«Sen muny gizlenmek üçin içki otaga
giren günüň bilersiň» diýip jogap berdi.
[26]Ysraýyl patyşasy Ahap şeýle diýdi:
«Mikaýany al-da, ony yzyna, galanyň
häkimi Amona we şazada Ýowaşa eltip

ber. 27Ýowaşa we Amona patyşa şeýle
diýýär diý: „Mikaýany tussaghana salyň-
da, men söweşden sag-salamat dolanyp
gelýänçäm, oňa açlykdan ölmezi ýaly
ýeterlik çörek bilen suw beriň“». 28Mi-
kaýa: «Eger sen söweşden sag-salamat
dolanyp gelseň, onda Reb men arkaly
geplän däldir» diýdi. Soňra ol: «Eý, je-
magat, muny hemmäňiz eşidiň» diýdi.

### *Ahabyň ölümi*
*(2 Ýyl ýazgylary 18:28-34)*

29Şeýdip, Ysraýylyň patyşasy Ahap
bilen Ýahuda patyşasy Ýehoşapat
Ramotgilgada hüjüm etmäge gitdiler.
30Ysraýyl patyşasy Ýehoşapada: «Meni
tanamazlar ýaly, men söweşe eşigimi
üýtgedip girjek, ýöne sen öz şalyk ly-
basyňy geý» diýdi. Şeýdip, Ysraýylyň
patyşasy eşigini üýtgedip, söweşe girdi.
31Siriýa patyşasy öz söweş arabalarynyň
otuz iki serkerdesine: «Uly bilen-de, kiçi
bilen-de uruşman, eýsem ýalňyz Ysra-
ýylyň patyşasy Ahap bilen uruş ediň»
diýip tabşyrdy. 32Söweş arabalarynyň
serkerdeleri Ýehoşapady görenlerin-
de: «Şu hökman Ysraýylyň patyşasy
bolmalydyr» diýip, oňa hüjüm etmek
üçin şol tarapa sowuldylar. Ýehoşapat
bar sesine gygyrdy. 33Söweş araba-
larynyň serkerdeleri onuň Ysraýylyň
patyşasy Ahap däldigini görenlerin-
de, yzlaryna dolandylar. 34Bir adam
ýaýyny çekip, tötänden Ysraýylyň pa-
tyşasynyň sowudynyň arasyndan urdy.
Patyşa öz arabaçysyna: «At arabasyny
yza öwür-de, meni söweşiň içinden
çykar, men ýaralandym» diýdi. 35Şol
gün söweş gaty gyzgalaňlydy. Paty-
şa öz söweş arabasynda siriýalylara
tarap bakyp durdy. Onuň ýarasynyň
gany arabanyň içi bilen aşaklygyna
syrygyp akýardy; ol agşamara öldi.
36Soňra Gün ýaşar çagynda, Ysraýylyň
goşunynyň serkerdeleri: «Her kes öz
galasyna, her kes öz ýurduna gitsin»
diýip jar çekdirdiler.

37Şeýdip, patyşa öldi. Ahap patyşany
Samariýa getirip, şol ýerde jaýladylar.
38Ahabyň söweş arabasyny bolsa Sa-
mariýa howzunyň başynda ýuwdular.
Lolular hem şol howuzda suwa düşerdi-
ler. Rebbiň ähli aýdanlary berjaý boldy:
itler onuň ganyny ýalady. 39Ahabyň
galan işleri, ähli eden işleri, pil dişin-
den guran köşgi we ähli guran galalary
barada ysraýyl patyşalarynyň ýyl ýaz-
gylarynda ýazylandyr. 40Şeýdip, Ahap
ata-babalaryna gowuşdy. Ogly Ahazýa
onuň ýerine patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Ýehoşapat*

41Ysraýyl patyşasy Ahabyň şalygynyň
dördünji ýylynda Asanyň ogly Ýehoşa-
pat Ýahuda patyşa boldy. 42Ýehoşapat
Ýahuda patyşa bolanda otuz bäş ýaşyn-
dady. Ol ýigrimi bäş ýyl Iýerusalimde
patyşalyk etdi; onuň ejesiniň ady Azuba.
Ol Şilhiniň gyzydy. 43Ýehoşapat Rebbiň
nazarynda dogry işlerini edip, kakasy
Asanyň ýollaryndan ýöräp, olardan çyk-
mady. Emma Ýahudadaky seždegähler
entek hem aýrylmandy. Halk entek hem
seždegählerde gurbanlyk berip, ýakymly
ysly tütetgi ýakýardy. 44Ýahuda paty-
şasy Ýehoşapat ysraýyl patyşasy bilen
ýaraşyk baglaşdy.

45Ýehoşapadyň galan işleri, görke-
zen gaýduwsyzlygy we eden söweşleri
barada ýahuda patyşalarynyň ýyl ýazgy-
larynda ýazylandyr. 46Ýehoşapat kakasy
Asanyň günlerinde goýbolsun edilen
seždegähleriň azgyn erkekleriniň ga-
lanyny ýurtdan doly ýok etdi.

47Edomda hiç patyşa ýokdy, diňe ýahu-
da patyşasy tarapyndan bellenen wekil

bardy. 48 Opyrdan altyn getirer ýaly Ýe-
hoşapadyň deňiz gämileri bardy, ýöne
olar Opyra ýetip bilmediler, çünki Es-
ýongebere gelenlerinde, olaryň gämileri
çagşady. 49 Şonda Ahabyň ogly Ahazýa
Ýehoşapada: «Goý, meniň adamlarym
seniň adamlaryň bilen gämilerde git-
sinler» diýdi. Emma Ýehoşapat munuň
bilen razylaşmady.

50 Ýehoşapat ata-babalaryna gowuşdy.
Ol atasy Dawut galasynda, atalarynyň
ýanynda jaýlandy. Onuň ornuna ogly
Ýehoram patyşa boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Ahazýa*

51 Ýahuda patyşasy Ýehoşapadyň şaly-
gynyň on ýedinji ýylynda Ahabyň ogly
Ahazýa Samariýada Ysraýyla patyşa
boldy; ol Ysraýylda iki ýyl patyşalyk
etdi. 52 Ahazýa Rebbiň nazarynda ýig-
renji işleri edip, öz ejesiniň, kakasynyň
hem-de Ysraýyla günä etdiren Nebadyň
ogly Ýarobgamyň ýollaryndan ýöre-
di. 53 Ol Bagala sežde etdi we edil öz
kakasy ýaly, Ysraýyl Hudaýy Rebbiň
gaharyny getirdi.

# Patyşalar

## Ikinji kitap

## Giriş

*Patyşalar* baradaky ikinji kitapda Ysraýylyň Demirgazyk we Günorta patyşalyklarynyň taryhy beýan edilýär. Bu kitap iki bölümden ybaratdyr. Onuň birinji bölüminde b. e. öň IX asyryň ortalaryndan tä b. e. öň 722-nji ýylda Demirgazyk patyşalygynyň paýtagty Samariýanyň synmagyna çenli bolan taryhy wakalar beýan edilýär. Kitabyň ikinji bölüminde ysraýyl halkynyň ýesirlige alnyp, b. e. öň 586-njy ýylda Günorta patyşalygynyň paýtagty Iýerusalimiň Babyl patyşasy Nebukadnesar tarapyndan weýran edilmegine çenli bolup geçen wakalar beýan edilýär. Kitap Gedalýanyň babyllylaryň gol astyndaky ýahuda halkyna häkimlik edişi baradaky we Ýahuda patyşasy Ýehoýakynyň Babyl türmesinden boşadylyşy baradaky wakalar bilen tamamlanýar.

Kitapda beýan edilen betbagtçylyklar Ysraýyl, Ýahuda patyşalarynyň we halkyň Hudaýy ret edip, butlara seždede edendikleri zerarly boldy. Emma Iýerusalimiň weýran edilip, ýahudalaryň Babyla sürgün edilmegi soňra Ysraýyl taryhynda uly özgerişlikleriň we ruhy galkynyşlaryň bolmagyna ýardam berdi.

***Mazmuny***


Bölünen patyşalyk ........ *1:1–17:41*
- Elýaşa pygamber ........ *1:1–8:15*
- Ysraýyl we Ýahuda patyşalary ........ *8:16–17:4*
- Samariýanyň synmagy ........ *17:5-41*

Ýahuda patyşalygy ........ *18:1–25:30*
- Hizkiýadan Ýoşyýa çenli bolan patyşalar ........ *18:1–21:26*
- Ýoşyýanyň şalyk sürmegi ........ *22:1–23:30*
- Ýahudanyň soňky patyşalary ........ *23:31–24:20*
- Iýerusalimiň synmagy ........ *25:1-30*

### 1-nji bap

***Reb Ahazýa patyşany jezalandyrýar***

1 Ysraýyl patyşasy Ahap ölenden soň,
Mowap ýurdy Ysraýylyň garşysyna
gozgalaň turuzdy.
2 Bir gün Ahazýa Samariýa şäherindäki
köşgüniň ýokarky gatyndaky penjireden
ýykylyp, şikeslendi. Onsoň ol: «Gidiň-
de, Ekron hudaýy Bagalzebupdan soraň,
men bu şikesden gutulyp bilerinmi?»
diýip çaparlar ýollady. 3 Emma Rebbiň
perişdesi tişbeli Ylýas pygambere şeýle
diýdi: «Git-de, Samariýanyň patyşasy-
nyň çaparlarynyň öňünden çykyp, olara:
„Siz Piliştiň Ekron galasynyň hudaýy
Bagalzebupdan patyşaňyz barada so-
ramaga gider ýaly Ysraýylda Hudaý
ýokmy näme?“ diý. 4 Bu eden işiň üçin
Reb şeýle diýýär: „Sen ýatan düşegiňden
galmarsyň, hökman ölersiň“». Şeýdip,
Ylýas pygamber özüne berlen tabşyry-
gy berjaý etdi.
5 Çaparlar patyşanyň ýanyna dolanyp
geldiler. Patyşa olardan: «Siz näme üçin
yzyňyza dolanyp geldiňiz?» diýip sorady.
6 Olar şeýle jogap berdiler: «Öňümizden
bir adam çykyp, bize Reb şeýle diýýär
diýdi: „Sizi iberen patyşaňyzyň ýanyna
baryň-da, oňa sen Ekron hudaýy Bagal-
zebupdan soramaga adam iberer ýaly,
Ysraýylda Hudaý ýokmy näme? Munuň
üçin sen ýatan düşegiňden galmarsyň,
hökman ölersiň“ diýiň». 7 Patyşa ça-
parlardan: «Öňüňizden çykyp, size bu
sözleri diýen adamyň sypaty nähilidi?»
diýip sorady. 8 Olar patyşa: «Ol düýe
ýüňünden tikilen donludy we biline-de
gaýyş guşak guşalandy» diýip jogap ber-
diler. Patyşa: «Ol tişbeli Ylýasdyr» diýdi.
9 Onsoň patyşa ellibaşyny ýanynyň elli
adamy bilen Ylýasyň ýanyna ýollady.
Ellibaşy bir baýryň üstünde oturan Yl-
ýasyň ýanyna gelip, oňa: «Eý, Hudaýyň
adamy, patyşa saňa aşak düşmegi buýur-
ýar» diýdi. 10 Ylýas ellibaşa: «Eger men
Hudaýyň adamy bolsam, goý, Hudaý
gökden ot inderip, seni we seniň elli
adamyňy ýakyp kül etsin» diýdi. Onsoň
gökden ot inip, ellibaşyny we onuň elli
adamyny ýakyp kül etdi.
11 Patyşa ýanynyň elli adamy bilen
ikinji ellibaşyny Ylýasyň ýanyna ýol-
lady. Ol hem Ylýas pygamberiň ýanyna
gelip, oňa: «Eý, Hudaýyň adamy, patyşa
saňa tiz aşak düşmegi buýurýar» diýdi.
12 Ylýas oňa: «Eger men Hudaýyň adamy
bolsam, goý, Hudaý gökden ot inderip,
seni we seniň elli adamyňy ýakyp kül
etsin» diýdi. Onsoň gökden Hudaýyň
ody inip, ol ellibaşyny we onuň elli
adamyny ýakyp kül etdi.
13 Patyşa ýanynyň elli adamy bilen
üçünji ellibaşyny Ylýasyň ýanyna ýol-
lady. Şeýdip, üçünji ellibaşy Ylýasyň
ýanyna gelip, öňünde dyza çöküp, ýal-
baryp: «Eý, Hudaýyň adamy, meniň we
bu elli guluňyň janyna haýpyň gelsin.
14 Öňki iki ellibaşy elli adamy bilen
gökden inen oda ýanyp kül boldy, emma
indi seniň meniň janyma haýpyň gelsin»
diýdi. 15 Onsoň Rebbiň perişdesi Ylýasa:
«Onuň bilen aşak düş, ondan gorkma»
diýdi. Şeýdip, Ylýas aşak düşüp, ellibaşy
bilen patyşanyň ýanyna gitdi. 16 Ylýas
patyşa: «Reb şeýle diýýär: „Sen Ekron
galasynyň hudaýy Bagalzebupdan gu-
tulyşyň barada soramaga adam iberer
ýaly Ysraýylda Hudaý ýokmy näme?
Munuň üçin sen ýatan düşegiňden gal-
marsyň, hökman ölersiň“» diýdi.
17 Şeýdip, Rebbiň Ylýasyň üsti bilen
aýdan sözüne görä, Ahazýa patyşa dün-
ýäden ötdi. Ahazýa patyşa ölenden soň,
ýerine dogany Ýoram patyşa boldy, sebä-

bi onuň ogly ýokdy. Ol Ýahuda patyşasy
Ýehoşapadyň ogly Ýehoramyň patyşa-
lygynyň ikinji ýylynda Ysraýyla patyşa
boldy. 18 Ahazýanyň beýleki eden işleri
ysraýyl patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr.

## 2-nji bap

### *Ylýas pygamber göge göterilýär*

1 Reb Ylýas pygamberi harasat içinde
göge götermekçi bolanda, ol Elýaşa bi-
len Gilgaldan gaýdyp gelýärdi. 2 Ylýas
pygamber Elýaşa: «Sen şu ýerde gal,
çünki Reb maňa Beýtele gitmegi buýur-
dy» diýdi. Emma Elýaşa: «Rebden we
seniň adyňdan ant içýärin, men senden
galmaryn» diýip jogap berdi. Şeýdip,
olaryň ikisi bile tirkeşip, Beýtele gitdiler.
3 Beýteldäki pygamberler topary Elýaşa-
nyň ýanyna gelip, ondan: «Sen Rebbiň
şu gün jenabyňy ýanyňdan äkitjekdigi-
ni bilýärsiňmi?» diýip sorady. Elýaşa:
«Hawa, men bilýärin, ýöne bu barada
geplemek islämok» diýip jogap berdi.
4 Ylýas pygamber Elýaşa: «Sen şu ýer-
de gal, çünki Reb maňa Ýeriho gitmegi
buýurdy» diýdi. Emma Elýaşa: «Rebbiň
we seniň adyňdan ant içýärin, men sen-
den galmaryn» diýip jogap berdi. Şeýdip,
olaryň ikisi bile tirkeşip, Ýeriho gitdiler.
5 Ýerihodaky pygamberler topary El-
ýaşa golaý gelip, ondan: «Sen Rebbiň şu
gün jenabyňy ýanyňdan äkitjekdigini
bilýärsiňmi?» diýip soradylar. Elýaşa:
«Hawa, bilýärin, ýöne bu barada geple-
mek islämok» diýip jogap berdi.
6 Ylýas Elýaşa: «Sen şu ýerde gal, çün-
ki Reb maňa Iordan derýasyna gitmegi
buýurdy» diýdi. Emma Elýaşa: «Rebden
we seniň adyňdan ant içýärin, men sen-
den galmaryn» diýip jogap berdi. Şeýdip,
olaryň ikisi-de bile tirkeşip, ýollaryny
dowam etdirdiler. 7 Elli adama barabar
bolan pygamberler topary-da bular bilen
bile gidip, uzagrakda olaryň garşysyn-
da durdular. Ylýas bilen Elýaşa hem
Iordanyň kenar ýakasynda durdular.
8 Ylýas donuny alyp düýrledi-de, onuň
bilen suwa urdy. Suw bölünip, iki tara-
pa çekildi. Olar derýanyň içindäki gury
ýerden ýöräp kenara çykdylar.
9 Iordan derýasyndan geçenlerinden
soň, Ylýas pygamber Elýaşa: «Huda-
ýyň meni ýanyňdan alyp gitmezinden
öň, menden islän zadyňy sora» diýdi.
Elýaşa: «Seniň yzyňy ýörederim ýaly,
maňa öz ruhuňdan iki esse artyk ruh
ber» diýdi.
10 Ylýas pygamber: «Kyn zat islediň.
Emma muňa garamazdan, eger sen me-
niň öz ýanyňdan göterilip barýanymy
görseň, diňe şonda dilegiň kabul bolar.
Eger-de meni görüp bilmeseň, onda
dilegiň bitmez» diýdi.
11 Olar gürleşip gidip barýarkalar,
birdenkä alaw atlaryna tirkelen alaw
söweş arabasy olary biri-birinden aýyr-
ýar. Ylýas harasat bilen göge göterilýär.
12 Elýaşa Ylýas pygambere seredip: «Eý,
atam, atam! Ysraýylyň söweş arabalary
bilen söweş arabaly esgerleri!» diýip,
bar sesi bilen gygyrýar. Şondan soň
Elýaşa Ylýas pygamberi hiç haçan gör-
medi. Elýaşa öz eşiklerini ýyrtyp, ikä
böldi. 13 Onsoň Elýaşa Ylýasdan gaçyp
galan dony alyp, yzyna gidip, Iordanyň
kenarynda durdy. 14 Ol Ylýasdan gaçyp
galan dony aldy-da, suwa urup: «Hany,
Ylýasyň Hudaýy Reb nirede?» diýip
gygyrdy. Elýaşa dony suwa uran bady-
na, suw bölünip, iki tarapa çekildi we
Elýaşa kenaryň beýleki tarapyna geçdi.
15 Ýerihodaky pygamberler topary
Elýaşany bir menzil ýerden görüp: «Yl-
ýasyň ruhy Elýaşada» diýişdiler. Onsoň

olar Elýaşanyň öňünden çykyp, oňa
tagzym etdiler. 16 Olar Elýaşa: «Ine, gul-
laryň arasynda elli sany güýçli adam bar.
Goý, olar gidip, seniň jenabyň Ylýasy
gözlesinler. Belki, Rebbiň Ruhy ony
äkidip, dagdyr jülgeleriň birine taşlan-
dyr» diýdiler. Elýaşa olara: «Ýok, olary
ibermäň» diýdi.
17 Emma pygamberler oňa ýalbaryp,
ony mejbur edensoňlar, Elýaşa: «Bol-
ýar, iberiň» diýdi. Şeýdip, elli adam
Ylýasyň gözlegine çykdylar. Olar ony
üç günläp gözlediler, ýöne tapyp bilme-
diler. 18 Olar Elýaşanyň ýanyna dolanyp
geldiler. Şol wagtlar Elýaşa Ýerihodady.
Ol pygamberler toparyna: «Men size
gitmäň diýmedimmi näme?» diýdi.

### *Elýaşa pygamberiň gudratlary*

19 Gala adamlary Elýaşa: «Jenabym,
görşüňiz ýaly galanyň ýerleşýän ýeri go-
wy, ýöne onuň suwunyň erbetdigi zerarly
ýer hasylsyzlyga sezewar boldy» diýdiler.
20 Elýaşa: «Maňa içine duz salnan täze
gap getirip beriň» diýdi. Olar oňa içi
duzly gaby getirip berdiler. 21 Elýaşa suw
çeşmesiniň başyna bardy-da, duzy onuň
içine oklap: «Reb şeýle diýýär: „Men
bu suwy tämizleýärin. Mundan beýläk
ölüm-de, hasylsyzlyk-da bolmaz“» diýdi.
22 Elýaşanyň aýdyşy ýaly şol suw tä şu
güne çenli hem tämizdir.
23 Elýaşa ol ýerden Beýtele gitdi. Ol
gidip barýarka, galadan ýaş oglanlar
çykyp, ony masgaralap: «Heý, kel, güm
bol şu ýerden! Heý, kel, güm bol şu
ýerden!» diýip gygyryşdylar. 24 Elýaşa
yzyna öwrülip, oglanlara seredip, olara
Rebbiň adyndan gargady. Biraz wagtdan
soň, jeňňellikden iki sany aýy çykyp,
kyrk iki oglany parçalady. 25 Elýaşa ol
ýerden Karmel dagyna gidip, dagdan
Samariýa galasyna dolanyp geldi.

## 3-nji bap

### *Ysraýyl Mowap bilen uruşýar*

1 Ýahuda patyşasy Ýehoşapadyň paty-
şalygynyň on sekizinji ýylynda Ahabyň
ogly Ýoram Ysraýyla patyşa boldy. Ol
Samariýada on iki ýyl patyşalyk et-
di. 2 Ýoram Rebbiň nazarynda ýigrenji
işleri etdi. Emma ol kakasy, ejesi ýaly
däldi, çünki ol kakasynyň Bagala diken
daşyny aýyrdy. 3 Muňa garamazdan,
Ýoram Nebadyň ogly Ýarobgam ýaly
Ysraýyla günä etdirip, pis işleri etmek-
den el çekmedi.
4 Mowap patyşasy Meşanyň goýunlary
san-sajaksyzdy. Ol Ysraýyl patyşasyna
ýüz müň guzy bilen ýüz müň goçuň
ýüňüni ibermelidi. 5 Ahap ölenden soň
Mowap patyşasy Ysraýyl patyşasyna
garşy gozgalaň turuzdy. 6 Onsoň Ýo-
ram dessine Samariýadan gidip, bütin
ysraýyl halkyny ýygnady. 7 Ýoram Ýa-
huda patyşasy Ýehoşapada habar ýollap,
ondan: «Mowap patyşasy maňa garşy
uruş turuzdy. Sen meniň bilen Mowa-
byň garşysyna urşa gidersiňmi?» diýip
sorady. Ýehoşapat Ysraýyl patyşasyna:
«Menem, esgerlerimem, atly goşuny-
mam seniň hyzmatyňdadyrys» diýip
jogap berdi. 8 Onsoň Ýahuda patyşasy
Ýehoşapat Ýoramdan: «Haýsy tarapdan
hüjüm edeli?» diýip sorady. Ysraýyl
patyşasy Ýoram: «Edom çölüniň ýoly
bilen hüjüm ederis» diýip jogap berdi.
9 Şeýdip, Ysraýyl, Ýahuda we Edom
patyşalary bile ýola düşdüler. Olar ýe-
di günlük aýlawly ýoly geçenlerinden
soň, pyýada goşun we olaryň ýanyndaky
mallar üçin hiç hili suwlary galmady.
10 Ysraýyl patyşasy Ýoram: «Wah, Reb
bizi, üç patyşany Mowabyň eline bermek
üçin bir ýere ýygnan eken» diýdi. 11 Emma

Ýehoşapat: «Rebden sorap görer ýaly bu
ýerde Rebbiň pygamberi ýokmy?» diýdi.
Onsoň Ysraýyl patyşasynyň emeldarlary-
nyň biri: «Şapadyň ogly Elýaşa şu ýerde.
Ol Ylýasyň eline suw akydardy» diýip
jogap berdi. 12 Ýehoşapat: «Onda Rebbiň
sözi bar» diýdi. Şeýdip, Ysraýyl, Ýahuda
hem-de Edom patyşalary bile tirkeşip, El-
ýaşanyň ýanyna gitdiler.

13 Elýaşa Ysraýyl patyşasyna: «Sen
näme üçin meniň ýanyma gelýärsiň?
Sen kakaňyň, ejeňiň pygamberleriniň
ýanyna git» diýdi. Emma Ysraýyl paty-
şasy Ýoram oňa: «Ýok, Rebbiň hut özi
bizi, üç patyşany diňe Mowabyň eline
bermek üçin bir ýere ýygnan eken» diýdi.
14 Elýaşa Ysraýyl patyşasyna şeýle diýdi:
«Hyzmat edýän Hökmürowan Rebbimiň
adyndan ant içýärin, men Ýahuda paty-
şasyna sarpa goýýanlygym üçin seniň
bilen gepleşýärin, ýogsam men seniň
ýüzüňe-de seretmezdim. 15 Indi maňa
bir sazanda getiriň».

Sazanda saz çalyp otyrka, Elýaşanyň
kalbyna Rebbiň güýji geldi. 16 Elýaşa
şeýle diýdi: «Reb şeýle diýýär: „Şu gury
jar hendeklerden dolar. 17 Siz hiç hili ýel,
ýagyş görmeseňiz-de, bu jar suwdan do-
lup, ähliňiz mal-garalaryňyz bilen bile
şol suwdan içersiňiz“. 18 Bu zatlar Reb
üçin gaty aňsatdyr. Ol Mowaby-da siziň
eliňize berer. 19 Siz mowaplylaryň ähli
galalaryny, saýlama galalaryny basyp
alyp, ähli miweli agaçlaryny çaparsyňyz,
olaryň ähli suw çeşmelerini bentläp, ähli
oňat ekerançylyk ýerlerini daşlardan
dolduryp weýran edersiňiz». 20 Ertesi
gün gala gurbanlygyň berilmeli wag-
ty, birdenkä Edom tarapdan suw akyp
başlap, ol ýer tutuşlygyna suwdan doldy.

21 Üç patyşanyň özlerine garşy uruş-
maga çykanyny eşiden mowaplylar eli
ýarag tutan ýaşlaryndan başlap, tä iň
garrylaryna çenli baryny ýygnap, olary
serhetde nyzama duruzdylar. 22 Mowap-
lylar ertesi ir bilen turanlarynda, Gün
suwuň ýüzüne şöhle saçýardy. Olar
garşylaryndaky suwuň gan ýaly gyzyl-
dygyny gördüler. 23 Olar: «Bu gandyr.
Patyşalar öz aralarynda urşup, biri-bir-
lerini öldürendirler. Eý, mowaplylar,
geliň, olaryň oljasyny talalyň!» diýip
gygyryşdylar. 24 Mowaplylar ysraýyllaryň
düşelgesine gelende, ysraýyllar aýaga
galyp, olaryň garşysyna hüjüme geçdiler.
Ysraýyllar mowaplylary yzyna kowup çy-
kardylar. Olar Mowaba çozup girip, urşy
ol ýerde hem dowam etdirdiler. 25 Ysraýyl-
lar bütin Mowabyň galalaryny ýer bilen
ýegsan edip, olaryň ähli oňat ekerançylyk
ýerlerini daşdan dolduryp weýran etdiler,
ähli suw çeşmelerini bentläp, ähli miwe-
li agaçlaryny çapdylar. Diňe Mowabyň
paýtagty Kirharasediň kerpiç diwarlary
ýykylman galdy, ýöne sapanly esgerler
ony hem gabap, galanyň üstüne hüjüm et-
diler. 26 Mowap patyşasy duşmanlarynyň
özünden üstün çykyp barýanyny görende,
ýanyna ýedi ýüz sany gylyçly esger alyp,
Edom patyşasynyň goşunlarynyň içinden
böwsüp geçmekçi boldy, emma bu başa
barmady. 27 Onsoň Mowap patyşasy öz
ornuna patyşa boljak nowbahar ogluny
galanyň diwarynda ýakma gurbanlygy
hökmünde hödürledi. Ysraýyla garşy
gahar-gazap möwjedi. Şonuň üçin hem
ysraýyllar Mowapdaky söweşi bes edip,
öz ýurtlaryna dolandylar.

## 4-nji bap

### *Elýaşa pygamber garyp dul aýala kömek edýär*

1 Pygamberlerden bolan bir adamyň
aýaly Elýaşa: «Guluň ärim öldi. Sen
bilýärsiň, guluň Rebbi sylap, ondan

gorkýardy. Algydarymyz iki çagamy
özüne gul edinmek üçin alyp gitmäge
gelipdir» diýip aglady. 2Elýaşa ondan:
«Saňa nähili kömek edip bilerin? Maňa
aýt, öýüňizde näme bar?» diýip sorady.
Ol aýal: «Seniň gyrnagyňyň öýünde bir
golça ýagyndan başga zady ýok» diýip
jogap berdi. 3Elýaşa şeýle diýdi: «Bar,
daşary çyk-da, ähli goňşularyňdan boş
gap dile, näçe köp ýygnap bilseň, şon-
ça-da gowy. 4Onsoň ogullaryň bilen
bile içeri girip, gapyny ýap-da, ýygnan
gaplaryňa ýag guýup başla, dolanlaryny
bir gapdala aýyr-da goýyber». 5Ol aýal
Elýaşanyň ýanyndan gaýtdy. Ol öýüne
geldi-de, gapyny içinden ýapdy. Ogullary
gaplary oňa getirip berýärdiler, ol dol-
durýardy. 6Gaplar dolanda, aýal ogluna:
«Maňa ýene bir gap getirip ber» diýýärdi.
Ogly oňa: «Başga gap ýok» diýip jogap
berdi. Şondan soň ýag gelmesi kesildi.
7Ol aýal Hudaýyň adamynyň ýanyna
gelip, oňa bar bolan zady gürrüň berdi.
Elýaşa: «Bar ýaglary sat-da, karzyňy
üz, galany hem ogullaryň bilen güzeran
aýlamagyňyza ýeter» diýdi.

### *Elýaşa pygamber şunemli gurply aýala kömek edýär*

8Günleriň birinde Elýaşa Şunemiň
üstünden geçip barýardy. Ol ýerde bir
gurply aýal onuň çörege gelmegini ha-
ýyş etdi. Şeýdip, Elýaşa her sapar şol
ýerden geçende, şol aýalyň öýüne çörege
barardy. 9Ol aýal adamsyna şeýle diýdi:
«Hemişe ýanymyzdan geçýän bu adamyň
Hudaýyň mukaddes adamydygyna göz
ýetirdim. 10Gel, oňa üçekde bir kiçijik
otag salyp, onuň üçin ýorgan-düşek, sa-
çak, oturgyç we çyra goýaly. Onsoň ol her
sapar bize gelende, şol ýerde bolup biler».
11Bir gün Elýaşa olara geldi we
ýaňky kiçijik otaga çykyp, şol ýerde
ýatdy. 12Elýaşa hyzmatkäri Geýhaza
ýüzlenip: «Şunemli aýaly çagyr» diý-
di. Hyzmatkäri ony çagyrdy. Bu aýal
gelip, hyzmatkäriň öňünde durdy. 13El-
ýaşa hyzmatkärine ýüzlenip: «Aýaldan:
„Sen biziň üçin şunça zähmet çekipsiň.
Saňa nähili kömek edip bileris? Seniň
adyňdan patyşa ýa-da serkerde bilen gep-
leşeýinmi?“ diýip sora» diýdi. Aýal hem:
«Men öz halkymyň arasynda ýaşaýaryn»
diýip jogap berdi. 14Elýaşa hyzmatkä-
rinden: «Men onuň üçin başga näme
edip bilerin?» diýip sorady. Geýhazy
oňa: «Dogrudanam, onuň ogly ýok, äri
hem garry» diýip jogap berdi. 15Elýaşa:
«Aýaly çagyr» diýdi. Hyzmatkäri ony
çagyrdy, aýal gelip, gapynyň agzynda
durdy. 16Elýaşa aýala ýüzlenip: «Ýene
bir ýyldan, edil şu wagt gujagyňda ogluň
bolar» diýdi. Aýal: «Ýok, jenabym, eý,
Hudaýyň adamy, gyrnagyňy aldama»
diýdi. 17Emma ol aýal göwreli bolup,
Elýaşanyň oňa aýdyşy ýaly, bir ýyldan,
edil şol wagtda bir ogul dogurdy. 18Oglan
ulalyp, günleriň birinde orakçylaryň ara-
syndaky kakasynyň ýanyna gitdi. 19Ol
kakasyna: «Waý, kelläm, kelläm!» diýip
gygyransoň, kakasy hyzmatkärine: «Ony
ejesiniň ýanyna äkit» diýdi. 20Hyzmat-
kär ony göterip, ejesiniň ýanyna getirdi.
Çaga günortana çenli ejesiniň dyzynda
oturyp, onsoň öldi. 21Ejesi ony göterdi-de,
ýokary çykaryp, Hudaýyň adamynyň
düşeginde ýatyrdy. Onsoň ol gapyny
ýapdy-da, çykyp gitdi. 22Aýal adamsyny
çagyryp: «Gaýrat edip, hyzmatkärleriň
birini eşegi bilen bile meniň ýanyma
iber. Men tiz Hudaýyň adamynyň ýa-
nyna gidip geleýin» diýdi. 23Adamsy
ondan: «Bu gün aýyň başy däl ýa-da
Sabat güni däl. Sen näme üçin onuň
ýanyna şu gün gitjek?» diýip sorady.
Aýaly hem: «Hemme zat gowy, alada

etme» diýip jogap berdi. 24 Aýal eşegi
gaňňalap, hyzmatkärine: «Ýör, gaty sür,
özüm aýdýançam eşegi haýallatma»
diýdi. 25 Şeýdip, aýal Karmel dagyna,
Hudaýyň adamynyň ýanyna geldi. Hu-
daýyň adamy aýaly bir menzilden görüp,
hyzmatkäri Geýhaza: «Seret, şunemli
aýal gelýär! 26 Sen tiz ylgap, aýalyň öňün-
den çyk-da, ondan: „Sag-salamatmysyň,
adamyň sag-salamatmy? Çagaň sag-sa-
lamatmy?“ diýip sora» diýdi. Aýal hem:
«Sag-salamatlykdyr» diýip jogap berdi.
27 Aýal dagdaky Hudaýyň adamynyň
ýanyna baryp, onuň aýagyna ýapyşdy.
Geýhazy ony aýyrjak bolup, oňa golaý
geldi, ýöne Hudaýyň adamy oňa: «Aýala
degme, çünki onuň kalby ajy hasratdan
doludyr. Reb muny menden ýaşyrdy,
maňa bu barada hiç zat aýtmady» diý-
di. 28 Onsoň aýal oňa: «Jenabym, men
senden ogul diledimmi näme? Men saňa
meni aldama diýmedimmi näme?» diýdi.
29 Elýaşa Geýhaza şeýle diýdi: «Biliňi
guşa-da, eliňe meniň hasamy alyp, ýola
düş. Eger sen ýolda kimdir birine duşaý-
saň, oňa salam berme, biri saňa salam
berse, onuň salamyny alma. Sen meniň
hasamy çaganyň ýüzüne goý». 30 Onsoň
çaganyň ejesi: «Rebden hem-de seniň
adyňdan ant içýärin. Men sensiz hiç ýere
gymyldamaryn» diýdi. Şondan soň El-
ýaşa ýerinden turup, ol aýalyň yzy bilen
gitdi. 31 Geýhazy olardan öňinçä baryp,
hasany çaganyň ýüzüne goýdy, ýöne
çaga demsiz-düýtsüz ýatyrdy. Geýhazy
Elýaşanyň öňünden çykmaga gitdi. Ol
oňa: «Çaga entek hem oýa däl» diýip
habar berdi.

32 Elýaşa öýe girende, düşeginde ýa-
tan öli çagany gördi. 33 Şeýdip, ol içeri
girip, gapyny ýapdy-da, Rebbiň adyna
dileg etdi. 34 Onsoň ol düşege, çaganyň
ýatan ýerine gelip, agzyny onuň agzyna,
gözlerini onuň gözlerine, ellerini onuň
ellerine goýup, çaganyň üstüne ýazylyp
ýatdy. Şondan soň çaganyň endamy
ýylap başlady. 35 Elýaşa ýerinden turup,
otagda eýläk-beýläk gezmeledi. Onsoň
ol ýene-de düşege geçip, ýatan çaganyň
üstüne ýazylyp ýatdy. Çaga ýedi gezek
asgyryp, gözlerini açdy. 36 Elýaşa Geý-
hazyny çagyryp: «Şunemli aýaly çagyr»
diýdi. Geýhazy ony çagyrdy. Aýal Elýa-
şanyň ýanyna geldi. Elýaşa oňa: «Ogluňy
al» diýdi. 37 Ol aýal gelip, tagzym edip,
Elýaşanyň aýagyna ýykyldy. Onsoň ol
ogluny alyp, çykyp gaýtdy.

### *Zäherli çorba*

38 Elýaşa Gilgala dolanyp baranda,
ýurtda açlyk höküm sürýärdi. Pygam-
berler topary onuň öňünde otyrdy. Elýaşa
hyzmatkärine ýüzlenip: «Uly gazany
atar-da, pygamberlere çorba bişirip ber»
diýdi. 39 Pygamberleriň biri ot ýygmak
üçin çöle gitdi. Ol ýabany üzüm aga-
jyny tapdy. Ol şol agajyň miwesinden
donuny dolduryp ýygdy. Ol ýabany mi-
weleriň nämedigini bilmese-de, olary
dograp, gazandaky çorbanyň içine atdy.
40 Çorbadan adamlara guýup berdiler.
Adamlar çorbany dadyp görüp: «Eý,
Hudaýyň adamy, gazandaky çorbadan
iýsek öleris» diýip gygyryşdylar. Adam-
lar ony iýip bilmediler. 41 Elýaşa: «Maňa
un getirip beriň» diýdi. Onsoň ol uny
gazana atyp: «Adamlara çorba guýup
ber, goý, olar iýsinler» diýdi. Şondan
soň gazandaky çorbanyň zäheri aýryldy.

### *Elýaşa pygamber ýüz adamy doýurýar*

42 Bagalşalyşadan bir adam geldi. Ol
Hudaýyň adamy üçin hasylynyň ilkinji
ýetişen miwesinden oňa azyk getirdi. Ol
Elýaşa öz haltasynda ýigrimi sany arpa

çöregi bilen täze bugdaý sümmüllerini
getirip berdi. Elýaşa: «Bulary halka ber,
goý, adamlar iýsinler» diýdi.
43 Emma
hyzmatkäri oňa: «Bujagazy men ýüz
adamyň öňünde nädip goýaýyn?» diýdi.
Emma Elýaşa ýene-de gaýtalap: «Muny
halka ber, goý, adamlar iýsinler, çünki
Reb şeýle diýýär: „Hemmeler iýip do-
ýarlar we nahar artyp hem galar“» diýdi.
44 Şeýdip, hyzmatkär barja zatlary adam-
laryň öňünde goýdy. Olar nahardan iýip
doýdular we Rebbiň aýdyşy ýaly nahar
artyp hem galdy.

## 5-nji bap

### *Nagaman ýokançly deri keselinden saplanýar*

1 Siriýa patyşasynyň Nagaman atly bir
serkerdesi bardy. Ol jenabynyň öňünde
iň abraýly hem-de iň uly hormata eýe
bolan adamdy, çünki Reb Nagamanyň
üsti bilen Siriýa ýeňiş beripdi. Bu ba-
tyr ýigit ýokançly deri keselinden ejir
çekýärdi.
2 Siriýalylar Ysraýyla çozuş-
larynyň birinde bir ysraýylly gyzjagazy
ýesir alypdylar. Bu gyzjagaz Nagamanyň
aýalynyň hyzmatyna berlendi.
3 Bir gün
şol gyzjagaz bikesine: «Wah, meniň
jenabym Samariýa şäherindäki pygam-
beriň ýanyna gitsedi! Ol Nagamanyň
deri keselini bejererdi» diýdi.
4 Onsoň
Nagaman patyşanyň ýanyna gidip, oňa
ysraýylly gyzjagazyň aýdan zatlaryny
gürrüň berdi.
5 Siriýa patyşasy oňa: «Bar,
git, men Ysraýyl patyşasyna seniň bilen
hat hem ýollaýyn» diýdi.

Nagaman on ýedi batman [a] kümüş,
alty müň altyn teňňe hem-de on laý
egin-eşik alyp, Ysraýyl patyşasynyň
ýanyna gitdi.
6 Nagaman haty Ysraýyl
patyşasyna getirip berdi. Hatda şeýle
diýlip ýazylandy: «Şu haty okap, meniň
hyzmatkärim Nagamany seniň ýany-
ňa iberendigimi bilersiň. Sen ony deri
keselinden bejer».
7 Ysraýyl patyşasy
bu haty okap: «Jan alyp, jan berer ýaly
men Hudaýmy? Näme üçin bu adam
ýanyma adam ýollap, ony deri kese-
linden gutult diýýär? Ol meniň bilen
dawalaşmaga bahana gözleýär» diýip,
ýakasyny ýyrtyp gygyrdy.

8 Hudaýyň adamy Elýaşa Ysraýyl pa-
tyşasynyň ýakasyny ýyrtanyny eşidip,
onuň ýanyna bir habarçy ýollap: «Sen
näme ýakaňy ýyrtan bolýaň? Naga-
man meniň ýanyma gelip, Ysraýylda
bir pygamberiň bardygyny bilsin» diý-
di.
9 Şeýdip, Nagaman atlary we söweş
arabalary bilen gelip, Elýaşanyň öýüniň
işiginde durdy.
10 Elýaşa onuň ýanyna bir
habarçy ýollap: «Git-de, Iordan derýa-
synyň suwuna ýedi gezek ýuwun, şonda
sen keseliňden saplanyp tämizlener-
siň» diýdi.
11 Emma Nagamanyň muňa
gahary gelip, şeýle diýdi: «Ol meniň
üçin hökman daşary çykyp, ýanymda
durup, öz Hudaýy Rebbe dileg edip,
elini ýokançly deri keselli ýeriň üstüne
goýup, ony bejerer öýtdüm.
12 Damas-
kyň Abana we Parpar derýalary Ysraýyl
suwlarynyň baryndan oňat dälmi näme?
Men şol derýalarda ýuwnup, tämizlenip
bilmeýärinmi näme?» Nagaman yzy-
na öwrüldi-de, gaharly gitdi.
13 Emma
Nagamanyň hyzmatkärleri onuň ýany-
na gelip: «Eý, atamyz, eger pygamber
saňa bir kyn iş buýran bolsa, sen ony
etmezmidiň? Onuň saňa bar aýdan zady:
„Ýuwun-da, tämiz bol“. Bu dagy näme-
jik?!» diýdiler.
14 Şeýdip, Nagaman gidip,
Hudaýyň adamynyň aýdyşy ýaly ýedi

[a] **5:5** ***On ýedi batman*** – ýewreýçe *on kikkar*. Bu takm. 340 kg deňdir.

gezek Iordan derýasyna çümüp çykdy.
Şondan soň onuň teni ýaş oglanyň teni
ýaly bolup, ol keselinden saplandy we
tämiz boldy.
15 Onsoň Nagaman ýanyndakylar bilen
bile Hudaýyň adamynyň ýanyna dola-
nyp bardy. Ol gelip, Elýaşanyň öňünde
durup: «Men indi tutuş ýer ýüzünde
Ysraýylyň Hudaýyndan başga hiç bir
hudaýyň ýokdugyna göz ýetirdim. Haýyş
edýärin, bu guluň peşgeşini kabul edäý»
diýdi. 16 Elýaşa: «Huzurynda hyzmat
edýän Rebbimden ant içýärin, men hiç
zat aljak däl» diýdi. Nagaman Elýaşa
peşgeşi al diýip näçe ýalbarsa-da, ol
almakdan boýun gaçyrdy. 17 Onsoň Na-
gaman şeýle diýdi: «Eger peşgeşi kabul
etmejek bolsaňyz, onda, goý, bu guluňa
Ysraýyldan iki gatyr ýüki toprak beril-
sin, çünki bu guluň mundan beýläk diňe
Rebbe sadakalar we ýakma gurbanlyk-
laryny hödürlär. 18 Emma Reb meni şu
işde bagyşlasyn: jenabym sežde etmek
üçin Rimmon buthanasyna girende, me-
niň elimden ýapyşýar. Şonda men hem
Rimmon buthanasynda onuň bilen sežde
etmeli bolýaryn. Men ol ýerde sežde
edenimde, goý, Reb men–guluňy bu iş
üçin bagyşlasyn». 19 Elýaşa pygamber:
«Arkaýyn gidiber» diýip, Nagamany
ugratdy.

Nagaman Elýaşanyň ýanyndan gaýdyp,
biraz ýol geçipdi. 20 Hudaýyň adamy El-
ýaşanyň hyzmatkäri Geýhazy: «Meniň
jenabym bu siriýaly Nagamana rehim
edip, onuň özüne getiren peşgeşini kabul
etmedi. Rebden ant içýärin, men onuň
yzyndan ylgap gidip, ondan bir zatlar
alaýyn» diýen pikire geldi. 21 Şeýdip,
Geýhazy Nagamanyň yzyndan gitdi.
Nagaman kimdir biriniň yzyndan yl-
gap gelýänini görüp, ony garşylamak
üçin arabadan böküp düşdi-de: «Eý-
gilikmidir?» diýip sorady. 22 Geýhazy
şeýle jogap berdi: «Eýgilikdir. Meniň
jenabym: „Efraýym daglyk ýurdundan
pygamberler toparyndan iki sanysy edil
şu wagt meniň ýanyma geldi. Şolara
gaýrat edip bir ýarym batman töweregi [a]
kümüş bilen iki laý eşik beräý“ diýip,
meni seniň ýanyňa iberdi». 23 Naga-
man: «Üç batmandan artyk edip alaý»
diýip, Geýhaza öz diýenini etdirdi. Na-
gaman üç batmandan gowrak [b] kümşi
iki halta salyp, haltanyň agzyny daňdy.
Ol olary iki laý eşigi bilen öz iki hyz-
matkäriniň eline tutdurdy. Nagamanyň
hyzmatkärleri bu haltalary göterip, Geý-
hazynyň öňünden ýöräp gitdiler. 24 Olar
gala ýetenlerinde, Geýhazy haltalary
Nagamanyň hyzmatkärleriniň elinden
alyp, öýde gizledi. Geýhazy hyzmat-
kärler bilen hoşlaşyp, olary yzlaryna
ugratdy.
25 Geýhazy jenabynyň ýanyna baryp,
onuň öňünde durdy. Elýaşa ondan: «Geý-
hazy, sen nirede bolduň?» diýip sorady.
Geýhazy hem: «Guluň hiç ýere-de git-
medi» diýip jogap berdi. 26 Emma Elýaşa
gaharlanyp: «Nagaman seni garşylamak
üçin arabasyndan düşende, men ruh-
da seniň bilen dälmidim? Bu kümüş,
egin-eşik, zeýtundyr üzüm baglary, go-
ýunlar, öküzler we gullardyr gyrnaklar
alynýan wagtymy näme? 27 Şonuň üçin
hem Nagamanyň deri keseli senden we
seniň nesliňden hiç haçan aýrylmasyn»
diýdi. Şeýdip, Geýhazy gar ýaly duw-ak
deri keseli bilen Elýaşanyň ýanyndan
çykyp gaýtdy.

---

[a] **5:22** ***Bir ýarym batman töweregi*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.
[b] **5:23** ***Üç batmandan gowrak*** – ýewreýçe *iki kikkar*. Bu takm. 70 kg deňdir.

## 6-njy bap

### *Palta suwuň ýüzüne çykýar*

[1]Pygamberler topary Elýaşa şeýle
diýdiler: «Görşüň ýaly seniň baştu-
tanlygyňda ýaşaýan ýerimiz bize gaty
darlyk edýär. [2]Iordan derýasyna gidip,
her birimiz ol ýerden pürs ýygnap, şo
taýda ýaşarymyz ýaly, jaý gurmaga
bize rugsat et». Elýaşa pygamber olara
gitmäge rugsat berdi. [3]Onsoň pygam-
berleriň içinden biri oňa: «Sen hem
öz gullaryň bilen gidäý» diýip ýalbar-
dy. Elýaşa hem: «Bolýar» diýip jogap
berdi. [4]Şeýdip, Elýaşa pygamber olar
bilen gitdi. Olar Iordan derýasyna gelip,
agaç çapmaga başladylar. [5]Olardan biri
agaç çapyp ýörkä, paltasy uçup gidip,
suwa gaçdy. Ol hem bar sesine gygy-
ryp: «Wah, jenabym, ol amanat zatdy»
diýdi. [6]Onsoň Hudaýyň adamy: «Ol
nirä gaçdy?» diýip sorady. Ol Elýaşa
pygambere paltanyň gaçan ýerini gör-
kezende, Elýaşa bir çybyk kesip alyp,
ony edil paltanyň gaçan ýerine oklap,
demir paltany suwuň ýüzüne çykartdy.
[7]Elýaşa: «Al ony» diýdi. Ol adam elini
uzadyp, paltany aldy.

### *Elýaşa pygamber we Siriýa goşuny*

[8]Siriýa patyşasy Ysraýylyň garşysyna
uruşýarka öz nökerleri bilen geňeşip,
olara düşelgesiniň nirede boljakdygyny
aýtdy. [9]Emma Hudaýyň adamy Ysraýyl
patyşasyna şol ýerden geçmän, ägä bol-
magyny duýduryp habar ýollady, çünki
siriýalylar şol ýerde bukuda otyrdylar.
[10]Ysraýyl patyşasy Hudaýyň adamynyň
duýduran ýerinde ýaşaýan adamlara ha-
bar ýollady we olar habardar boldular.
Elýaşa şol ýer barada diňe birki gezek
däl-de, birnäçe gezek duýduryş berdi.

[11]Siriýa patyşasynyň muňa gaty ga-
hary geldi. Ol öz nökerlerini çagyryp,
olardan: «Hany, maňa aýdyň, biziň-
kilerden kim Ysraýyl patyşasy bilen
aragatnaşyk saklaýar?» diýip sorady.
[12]Onsoň onuň nökerleriniň biri şeýle
diýdi: «Hiç kim, jenap patyşam. Ysra-
ýylda Elýaşa pygamber bar. Ol hatda
seniň ýatýan otagyňda sözleýän her bir
sözüňi-de Ysraýyl patyşasyna ýetirýär».
[13]Patyşa: «Gidiň-de, ony tapyň. Men
adam iberip, ony ele salaryn» diýdi.
Patyşa: «Elýaşa Dotanda» diýip habar
berildi. [14]Şeýlelik bilen patyşa ol ýere
atlar, söweş arabalary bilen uly goşun
iberdi. Olar gije gelip, galanyň daşyny
gabadylar.

[15]Hudaýyň adamynyň hyzmatkäri
irden turup, daşary çykdy. Görse, atlar
we söweş arabalary bilen gelen Siriýa
goşuny galanyň daş-töweregini gabap-
dyr. Hyzmatkäri oňa: «Wah, jenabym,
biz indi näme ederis?» diýip gygyrdy.
[16]Elýaşa: «Gorkma, çünki biziň ýa-
nymyzdakylaryň sany olaryňkydan
köpdür» diýip jogap berdi. [17]Onsoň
Elýaşa dileg edip: «Eý, Reb, meniň
hyzmatkärimiň gözlerini açaý, goý,
ol görsün» diýdi. Reb Elýaşanyň hyz-
matkäriniň gözlerini açdy. Hyzmatkär
dagda Elýaşanyň töwereginiň atlardyr
söweş arabalary sypatyndaky otdan do-
ludygyny gördi. [18]Siriýalylar Elýaşanyň
üstüne hüjüm edenlerinde, ol Rebbe
dileg edip: «Bu halkyň gözlerini kör
et» diýdi. Reb Elýaşanyň dileg edişi
ýaly olaryň gözlerini kör etdi. [19]Elýaşa
olara: «Gözleýän adamyňyzy bu ýerden
tapyp bilmersiňiz, çünki siz ýalňyşlyk
bilen şu ýere gelipsiňiz. Meniň yzyma
düşüň, men sizi gözleýän adamyňyzyň
ýanyna äkideýin» diýdi. Şeýdip, Elýaşa
siriýalylary Samariýa getirdi.

20 Olar Samariýa giren badyna, Elýaşa
dileg edip: «Eý, Reb, bularyň gözlerini
aç, goý, olar görsünler» diýdi. Reb olaryň
gözlerini açdy. Olar özleriniň Samariýa-
dadygyny gördüler. 21 Ysraýyl patyşasy
siriýalylary görüp, Elýaşadan: «Jenabym,
bulary gyryp ýok edeýinmi? Bulary öl-
düreýinmi?» diýip sorady. 22 Elýaşa şeýle
jogap berdi: «Ýok, bulary gyrma! Sen
gyrjak bolýan adamlaryňy öz gylyjyň,
öz ýaýyň bilen basyp aldyňmy näme?
Olaryň öňlerinde iýip-içerleri ýaly çörek
we suw goý. Şondan soň olar öz hiküm-
darlarynyň ýanyna gitsinler». 23 Şeýdip,
patyşa olar üçin gaty köp nahar taýýar-
lady. Siriýalylar iýip-içip bolanlaryndan
soňra patyşa olary öz ýollaryna ugratdy.
Siriýalylar öz hökümdarlarynyň ýanyna
gitdiler. Şondan soň olar uzak wagtlap
Ysraýylyň üstüne hüjüm etmediler.

### *Samariýadaky ýowuz açlyk*

24 Biraz wagt geçenden soň, Siriýa-
nyň patyşasy Benhadat ähli goşuny
toplap, Samariýanyň garşysyna ýörişe
çykyp, onuň daşyny gabady. 25 Gabaw
edilen Samariýada elhenç açlyk başlan-
dy. Samariýa halky bir eşegiň kellesini
segsen kümüş teňňä, bir şakäse [a] kepderi
derisini bolsa bäş kümüş teňňä satdy.
26 Ysraýyl patyşasy galanyň diwarynyň
üstünden geçip barýarka, bir aýal: «Eý,
jenap patyşam, kömek et» diýip gygyrdy.
27 Patyşa hem: «Ýok, goý, Reb saňa kömek
etsin. Men saňa nähili kömek edeýin?
Mende ne bugdaý bar, ne-de şerap» diýdi.
28 Patyşa ondan: «Näme arz-şikaýatyň
bar?» diýip sorady. Aýal şeýle jogap
berdi: «Bu aýal maňa: „Sen öz ogluňy
ber, biz şu gün ony iýeris, ertir bolsa
meniň oglumy iýeris“ diýdi. 29 Şeýdip,
biz meniň oglumy bişirip iýdik. Ertesi
gün men oňa: „Ogluňy ber, iýeli“ diýdim.
Emma ol ogluny gizläpdir». 30 Patyşa bu
aýalyň aýdan zatlaryny eşidip, ýakasy-
ny ýyrtdy. Patyşa galanyň diwarynyň
üstünden geçip barýarka, halk onuň
eşikleriniň astyndan jul geýendigini
gördi. 31 Patyşa ant içip: «Eger men şu
gün Şapadyň ogly Elýaşanyň kellesini
almasam, goý, Hudaý maňa-da muny
we mundan hem beterini görkezsin»
diýdi. 32 Şeýdip, patyşa öz huzuryndan
bir çapary Elýaşanyň ýanyna ýollady.
Elýaşa öz öýünde otyrdy. Ýaşulular
hem onuň bilen bile otyrdylar. Çapar ge-
lip ýetmänkä, Elýaşa ýaşululara ýüzlenip,
şeýle diýdi: «Bu ganhoryň meniň kellämi
almaga bir çapary şu ýere ýollanyndan
habaryňyz barmy? Seredip duruň, şol
çapar gelende, gapyny ýapyň-da, ony
içeri girizmäň. Anha, onuň yzyndan
jenabynyň aýak sesem-ä eşidilýär». 33 El-
ýaşa olar bilen gürleşip otyrka, patyşa
onuň ýanyna gelip: «Men näme üçin
mundan artyk Rebbe bil baglaýyn? Bu
betbagtçylygy biziň başymyzdan inde-
ren hut Rebbiň Özüdir!» diýdi.

## 7-nji bap

1 Elýaşa şeýle jogap berdi: «Rebbiň
sözüni eşit. Ol şeýle diýýär: „Ertir şu
wagtlar Samariýanyň derwezesiniň ag-
zynda bir kersen saýlama un adaty baha,
ýagny üç mysgala [b] golaý kümşe, iki
kersen arpa-da adaty baha, ýagny üç
mysgala golaý kümşe satylar“». 2 Onsoň
patyşanyň iň ýakyn nökerleriniň biri
Hudaýyň adamyna: «Hatda Reb gökden
penjireler açaýanda-da, heý, şeýle-de bir

---

[a] **6:25** ***Bir şakäse*** – ýewreýçe *kabyň dörtden biri*. Bu takm. 0,3 litre deňdir.
[b] **7:1** ***Üç mysgal*** – ýewreýçe *bir şekel*. Bir şekel 11,6 gr deňdir.

zat bolup bilermi?» diýdi. Emma Elýa-
şa: «Sen muny öz gözüň bilen görersiň,
ýöne ondan iýmersiň» diýdi.

### *Siriýalylar gaçýarlar*

3 Samariýa galasynyň derwezesiniň
daşynda dört sany ýokanç deri keselli
adam bardy. Olar biri-birlerine şeýle
diýişdiler: «Näme üçin biz ölýänçäk,
şu ýerde oturmaly? 4 Gala gireli diý-
sek, galada elhenç açlyk höküm sürýär,
biz ol ýerde öleris. Emma biz bu ýerde
otursagam öleris. Gel, indi siriýalylaryň
düşelgesine gaçyp gideli. Eger olar bizi
diri galdyrsalar-a, ýaşarys, öldürseler-
de öleris». 5 Şeýdip, olar siriýalylaryň
düşelgesine gitmek üçin alagaraňkyda
turup, olaryň düşelgesiniň gyrasyndan
bardylar. Ol ýerde hiç kim ýokdy. 6 Çünki
Taňry Siriýa goşunyna söweş arabala-
rynyňdyr atlarynyň sesini we ägirt uly
goşunyň goh-galmagalyny eşitdiripdi.
Olar biri-birlerine: «Ysraýyl patyşasy bi-
ze garşy uruşmak üçin Het patyşalaryny,
Müsür patyşalaryny hakyna tutandyr»
diýişdiler. 7 Şeýdip, siriýalylar gorkup,
çadyrlaryny, atlarydyr eşeklerini we
düşelgedäki bar zatlaryny şol durşuna
taşlap, öz janlaryny halas etmek üçin
alagaraňkyda yzlaryna gaçyp gidipdiler.
8 Bu ýokanç deri keselli adamlar düşel-
gäniň gyrasyna gelip, bir çadyra girip
iýip-içdiler. Onsoň ol ýerden kümüş,
altyn, egin-eşik äkidip, olary gizlediler.
Soňra olar ýene-de yzlaryna öwrülip
gelip, başga bir çadyra girdiler. Ol ýer-
däki bar bolan zatlary äkidip, olary-da
gizlediler.

9 Onsoň olar biri-birlerine şeýle di-
ýişdiler: «Biziň bu edişimiz dogry däl.
Bu gün hoş habar günüdir. Eger biz
dymyp, ertir daň atara garaşsak, biziň
başymyza bela geler. Şonuň üçin hem
ýörüň, gideliň-de, patyşanyň köşgündä-
kileriň baryna habar bereliň». 10 Şeýdip,
olar gelip, şäheriň derwezebanlaryny
çagyrdylar we gygyryp: «Biz siriýa-
lylaryň düşelgesine gitdik. Emma ol
ýerde diňe daňylgy duran atlardyr eşek-
lerden we taşlap gidişleri ýaly duran
çadyrlardan başga ne adam bar, ne-de
ses-üýn» diýip habar berdiler. 11 Ondan
soň derwezebanlar gygyryp, patyşanyň
köşgündäkilere jar etdiler. 12 Patyşa gi-
je turup, hyzmatkärlerine şeýle diýdi:
«Siriýalylaryň bize näme etjek bolýan-
dyklaryny men size aýdyp bereýin. Olar
biziň açlykdan ýaňa ölüp barýanymyzy
bilip, çölde gizlenmek üçin düşelgäni
taşlap giden bolmalydyrlar. Siriýalylar:
„Ysraýyllar şäherden çykanlarynda, biz
olary diri tutarys-da, şähere gireris“
diýen pikirdedirler». 13 Patyşanyň hyz-
matkärleriniň biri: «Goý, birnäçe adam
şäherde galan bäş aty alsyn-da, gidip,
siriýalylaryň düşelgesini barlap gelsin.
Çünki şäherde galanlaryň ykbaly-da edil
öňki ölen ysraýyllaryňky ýaly bolar»
diýdi. 14 Şeýdip, olar iki adamy saýlady-
lar, patyşa olary iki sany at we iki sany
söweş arabasy bilen Siriýa goşunynyň
yzyndan iberdi. Patyşa olara: «Gidiň-de,
bar zady anyklaň» diýip buýruk berdi.
15 Şeýdip, olar siriýalylaryň yzyndan
Iordan derýasyna çenli gitdiler. Ýol
boýy olaryň howlugyp, taşlap giden
egin-eşiklerinden we beýleki goş-go-
lamlaryndan doludy. Onsoň çaparlar
yzlaryna dolanyp gelip, muny patyşa
habar berdiler.

16 Soň halk gidip, siriýalylaryň düşelge-
sini talady. Şeýdip, Rebbiň aýdyşy ýaly
bir kersen saýlama un üç mysgala golaý
kümşe, iki okara arpa-da üç mysgala
golaý kümşe çalşyldy. 17 Patyşa özüne
iň ýakyn bolan nökerini derwezäniň

agzynda goýdy. Halk ony derwezäniň
agzynda basalady we ol öldi. Patyşa
Hudaýyň adamynyň ýanyna gelende,
nöker Hudaýyň adamynyň aýdyşy ýaly
ölüpdi. 18-19 Çünki Hudaýyň adamynyň
patyşa: «Ertir şu wagtlar Samariýanyň
derwezesiniň agzynda iki okara arpa üç
mysgala golaý kümşe, bir okara saýlama
un üç mysgala golaý kümşe çalşylar»
diýende, patyşanyň iň ýakyn nökeri
Elýaşa pygambere: «Eger Reb gökden
penjireler açyp, däne ýagdyraýanda-da,
heý, şeýle zat bolup bilermi?» diýipdi.
Elýaşa pygamber hem: «Sen ony öz
gözleriň bilen görersiň, ýöne sen on-
dan iýmersiň» diýip jogap beripdi. 20 Ol
nöker babatda hakykatdan hem şeýle
boldy. Halk ony derwezäniň agzynda
basalady we ol öldi.

## 8-nji bap

### *Şunemli aýal ýerini yzyna alýar*

1 Elýaşa ogluny direlden aýala şeýle
diýipdi: «Tur-da, öý-içeriň bilen gidip,
ýaşap biljek ýeriňde mesgen tut, çünki
Reb bu ýurduň başyna ýedi ýyllyk açlyk
getirjek». 2 Bu aýal Hudaýyň adamynyň
tabşyryşy ýaly hem etdi. Ol öz öý-içe-
risi bilen piliştlileriň ýurduna gidip, şol
ýerde ýedi ýyl ýaşady. 3 Ýedi ýyldan
soň bu aýal piliştlileriň ýurdundan gaý-
dyp geldi. Ol öýüniň we ýeriniň yzyna
gaýtarylyp berilmegini soramak üçin,
patyşanyň huzuryna gitdi. 4 Şol wagt
patyşa Hudaýyň adamynyň hyzmatkäri
Geýhazy bilen gepleşip otyrdy. Patyşa
Geýhaza ýüzlenip: «Hany, onda maňa
Elýaşanyň görkezen beýik gudratlary
hakda aýdyp ber» diýdi. 5 Geýhazy El-
ýaşanyň ölüni direldişi barada gürrüň
berip otyrka, Elýaşa tarapyndan ogly
direldilen aýal patyşadan öýüniň we
ýeriniň yzyna gaýtarylyp berilmegini
soramaga geldi. Geýhazy hem: «Eý, je-
nap patyşam, ine, bu şol diýen aýalym
bilen Elýaşanyň direlden oglany» diýdi.
6 Patyşa bu aýaldan soranda, ol patyşa
bolup geçen zatlar barada jikme-jik gür-
rüň berdi. Şeýdip, patyşa emeldarlarynyň
birini çagyryp, şeýle buýruk berdi: «Bu
aýalyň bar zadyny gaýtaryp ber, ýurdy
taşlap giden gününden tä şu güne çenli
melleginiň bar girdejisini hem yzyna
ber» diýip emr etdi.

### *Elýaşa pygamber we Hazaýyl*

7 Elýaşa Damaska geldi. Şol wagt Siri-
ýa patyşasy Benhadat hassady. Patyşa:
«Hudaýyň adamy şu ýere gelipdir» diýip
habar berdiler. 8 Patyşa emeldary Haza-
ýyla şeýle diýdi: «Ýanyň bilen sowgatlar
al-da, Hudaýyň adamyny garşylamaga
git. Onsoň onuň üsti bilen Rebden sora:
„Men şu hassalykdan sagalarmykam?“».
9 Şeýdip, Hazaýyl özi bilen Damaskyň
dürli-dümen harytlaryndan kyrk düýe
ýüki sowgatlar alyp, Hudaýyň adamyny
garşylamaga gitdi. Ol baryp, Elýaşanyň
öňünde durup: «Siriýa patyşasy guluň
Benhadat: „Men bu hassalykdan saga-
larmykam?“ diýip soramak üçin meni
seniň ýanyňa iberdi» diýdi. 10 Elýaşa
Hazaýyla: «Bar-da patyşa: „Sen hökman
sagalarsyň“ diý, emma Reb maňa onuň
hökman öljekdigini görkezdi» diýdi.
11 Elýaşa Hazaýyla gözüni aýyrmazdan
seretdi welin, Hazaýyl utanyp gyzardy.
Onsoň Hudaýyň adamy aglady. 12 Haza-
ýyl ondan: «Jenabym, sen näme üçin
aglaýarsyň?» diýip sorady. Elýaşa şeýle
jogap berdi: «Men seniň ysraýyl halky-
nyň başyna ýowuz günleri getirjekdigiňi
bilip aglaýaryn. Sen olaryň galalaryna ot
berip, söweşde olaryň iň oňat esgerlerini
gylyçdan geçirersiň, olaryň çagalarynyň

kellelerini ýenjip, göwreli aýallarynyň
garynlaryny dilersiň». 13 Hazaýyl: «Kö-
pekden parhy bolmadyk bu guluň beýle
uly işleri eder ýaly kim bolupdyr?» diýdi.
Elýaşa: «Reb maňa seniň Siriýa patyşa
boljagyňy görkezdi» diýip jogap berdi.
14 Onsoň Hazaýyl Elýaşanyň ýanyndan
gaýdyp, öz jenaby Benhadadyň ýanyna
geldi. Benhadat ondan: «Elýaşa saňa
näme diýdi?» diýip sorady. Hazaýyl:
«Ol sen hökman gutularsyň diýdi» diýip
jogap berdi. 15 Emma ertesi gün Haza-
ýyl bir örtgi alyp, ony suwa batyrdy-da,
patyşanyň ýüzüne ýapyp, ony bogup
öldürdi. Onsoň onuň ýerine Hazaýylyň
özi patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Ýehoram*
*(2 Ýyl ýazgylary 21:1-20)*

16 Ysraýyl patyşasy Ahabyň ogly
Ýoramyň şalygynyň bäşinji ýylynda,
Ýahuda patyşasy Ýehoşapadyň ogly
Ýehoram Ýahuda patyşalyk edip başla-
dy. 17 Ýehoram patyşa bolanda otuz iki
ýaşyndady. Ol Iýerusalime sekiz ýyl
patyşalyk etdi. 18 Ahabyň nesilleriniň
edişi ýaly, Ýehoram-da Ysraýyl paty-
şalarynyň ýollaryndan ýöredi, çünki
Ahabyň gyzy onuň aýalydy. Ýehoram
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri etdi.
19 Emma Reb Dawuda onuň nesillerinden
biriniň ömürlik tagtda oturjakdygyny
wada berendigi we Öz guly Dawut bilen
äht edendigi üçin Ýahudany derbi-dagyn
etmek islemedi.
20 Ýehoramyň döwründe edomlylar
gozgalaň turzup, Ýahudanyň gol as-
tyndan çykdylar we özlerine bir patyşa
goýdular. 21 Onsoň Ýehoram söweş araba-
ly goşuny bilen Sagyra gitdi. Edomlylar
Ýehoram bilen onuň serkerdeleriniň
daşyny gabadylar, ýöne Ýehoram gije
edomlylaryň gabawyny böwsüp geçdi.
Onuň goşuny-da öýli-öýlerine gaçyp
gaýtdy. 22 Şeýdip, Edom şu güne çenli
hem Ýahuda garşy gozgalaň turzup, oňa
garaşsyz bolup gelýär. Edil şol wagtda
Libna galasy hem Ýahudanyň garşysyna
uruş turuzdy. 23 Ýehoramyň beýleki işleri,
onuň ähli eden işleri ýahuda patyşala-
rynyň ýyl ýazgylarynda ýazylandyr.
24 Ýehoram ata-babalaryna gowuşdy. Ol
Dawut galasynda, atalarynyň ýanyn-
da jaýlandy. Onsoň onuň ornuna ogly
Ahazýa patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Ahazýa*
*(2 Ýyl ýazgylary 22:1-6)*

25 Ysraýyl patyşasy Ahabyň ogly Ýora-
myň şalygynyň on ikinji ýylynda Ýahuda
patyşasy Ýehoramyň ogly Ahazýa patyşa
boldy. 26 Ahazýa patyşa bolanda ýigrimi
iki ýaşyndady. Ol Iýerusalime bir ýyl pa-
tyşalyk etdi. Onuň ejesi Atalýa Ysraýylyň
patyşasy Omrynyň agtygydy. 27 Ahazýa
hem Ahabyň maşgalasynyň pis ýolun-
dan ýöredi. Ol hem Ahabyň maşgalasy
ýaly Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri
etdi, çünki Ahazýa olaryň giýewsidi.
28 Ahazýa Ahabyň ogly Ýoram bi-
len Siriýanyň patyşasy Hazaýyla garşy
uruşmak üçin Ramotgilgada gitdi. Si-
riýalylar şol ýerde Ýoramy ýaraladylar.
29 Ysraýyl patyşasy Ýehoram Ramot-
gilgatda Hazaýyla garşy urşup ýörkä,
siriýalylaryň özüne salan ýaralaryny
bejertmek üçin Ýizregele gaýdyp geldi.
Ýahuda patyşasy Ýoramyň ogly Ahazýa
ýaralanan Ahabyň ogly Ýoramy görmek
üçin Ýizregele gitdi.

## 9-njy bap

### *Ýehu Ysraýyla patyşa bellenýär*

1 Elýaşa pygamberler toparyndan birini
çagyryp, şeýle diýdi: «Biliňi guşap, eliňe

şu zeýtun ýagly golçany alyp, Ramot-
gilgada git. 2 Ol ýere baryp, Nimşiniň
agtygy, Ýehoşapadyň ogly Ýehuwy
gözläp tap. Onuň ýanyna bar-da, ony
ýoldaşlarynyň arasyndan alyp, içki otaga
äkit. 3 Onsoň ýagly golçany al-da, ony
Ýehuwyň depesinden guýup, Reb şeýle
diýýär diý: „Men seni Ysraýyla patyşa
edip belleýärin“. Onsoň sen ol ýerde hiç
hili eglenme-de, tiz gaç».

4 Şeýdip, ýaňky ýaş pygamber Ra-
motgilgada gitdi. 5 Ýaş pygamber
Ramotgilgada gelende, bu ýerde goşun
serkerdeleri geňeş edip oturan ekenler.
Ýaňky ýaş pygamber olaryň birine: «Eý,
serkerde, men saňa bir habar getirdim»
diýdi. Ýehu: «Haýsymyz üçin?» diýip
sorady. Ýaş pygamber hem: «Seniň üçin,
serkerde» diýip jogap berdi. 6 Şeýdip, Ýe-
hu turup, ýaş pygamber bilen bile içeri
girdi. Ýaş pygamber hem onuň depe-
sinden ýag guýup, şeýle diýdi: «Ysraýyl
Hudaýy Reb şeýle diýýär: „Men seni
Öz halkym bolan Ysraýyla patyşalyga
belleýärin. 7 Sen jenabyň Ahabyň maşga-
lasyny gyrarsyň. Meniň gullarym bolan
pygamberleriň we hemme gullarymyň
gany üçin Izebelden öç alaryn. 8 Çünki
Ahabyň maşgalasynyň ýekejesi-de diri
galmaz. Men Ysraýylda isle gul bolsun,
isle azat – Ahapdan bolan ähli erkekleriň
baryny gyraryn. 9 Men Ahabyň maş-
galasyny Nebadyň ogly Ýarobgamyň
nesilleri we Ahyýanyň ogly Bagşanyň
nesilleri ýaly ederin. 10 Izebeli Ýizregel
galasynyň golaýynda itler iýer, ony hiç
kim jaýlamaz“». Onsoň ýaş pygamber
şeýle diýdi-de, dessine öýden çykyp
gaçdy.

11 Ýehu daşa çykyp, patyşanyň serker-
deleriniň ýanyna gelende, olar ondan:
«Eýgilikmidir? Bu däli seniň ýanyňa
näme üçin gelipdir?» diýip soradylar.
Ýehu: «Bu adamyň kimdigini we onuň
gürrüňlerini özüňiz bilýäňiz-ä!» diýip
jogap berdi. 12 Olar: «Ýok, bu ýalan. Bi-
ze hakykaty aýt» diýdiler. Onsoň Ýehu:
«Onuň maňa bar diýen zady Reb şeýle
diýýär: „Men seni Ysraýyla patyşa etmek
üçin başyňa ýag guýup saýlaýaryn“»
diýdi. 13 Onsoň olaryň bary dessine don-
laryny çykaryp, basgançaklaryň üstüne
Ýehuwyň aýagynyň astyna ýazdylar.
Soňra surnaý çalyp: «Ýaşasyn Ýehu
patyşa!» diýip jar etdiler.

### *Ysraýyl patyşasy Ýoram öldürilýär*

14 Şeýlelik bilen Nimşiniň agtygy, Ýe-
hoşapadyň ogly Ýehu Ysraýyl patyşasy
Ýorama garşy dildüwşük gurady. Şol
wagt Ýoram bütin ysraýyl halky bilen
birlikde Ramotgilgady Siriýa patyşa-
sy Hazaýylyň hüjüminden goraýardy.
15 Emma Ýoram patyşa Ramotgilgat-
daky Siriýa patyşasy Hazaýyla garşy
uruşda siriýalylaryň özüne salan ýara-
laryny bejertmek üçin Ýizregele gaýdyp
gelipdi. Şeýdip, Ýehu beýleki goşun
serkerdelerine: «Eger meniň bilen yla-
laşsaňyz, Ýizregeldäki Ýorama habar
ýetirilmez ýaly, ýekeje adamy-da Ramot
galasyndan çykarmaň» diýdi. 16 Ýehu
şeýle diýdi-de, özüniň söweş arabasyna
münüp, Ýizregele gitdi, çünki Ýoram
şol ýerde ýaralanyp ýatyrdy. Ýahuda
patyşasy Ahazýa hem Ýoramy görmek
üçin Ýizregele gelipdi.

17 Ýizregelde diňiň üstünde duran bir
garawul bardy. Ol garawul Ýehuwyň
ýakynlaşyp gelýän goşunyny görüp:
«Men bize tarap gelýän bir topar esge-
ri görýärin» diýdi. Ýoram patyşa hem:
«Bir atlyny olaryň öňünden iber. Ol
baryp olardan: „Eýgilikmidir?“ diýip
sorasyn» diýip buýruk berdi. 18 Şeý-
dip, bir atly Ýehuwyň öňünden çykyp:

«Patyşa: „Eýgilikmidir?“ diýip soraýar»
diýdi. Ýehu oňa: «Eýgiligi näme etjek?
Düş meniň yzyma!» diýip jogap berdi.
Garawul hem: «Çapar olaryň ýanyna
bardy, ýöne yzyna dolananok» diýip
habar berdi. 19 Onsoň Ýoram ikinji bir
atlyny Ýehuwyň ýanyna ýollady. Ol hem
olaryň ýanyna baryp: «Patyşa: „Eýgi-
likmidir?“ diýip soraýar» diýdi. Ýehu
oňa: «Eýgiligi näme etjek? Düş meniň
yzyma!» diýip jogap berdi. 20 Garawul
ýene-de: «Çapar olaryň ýanyna bar-
dy, ýöne yzyna dolananok. Gelýäniň at
çapdyryşy Nimşiniň agtygy Ýehuwyň
at çapdyryşyna meňzeýär, çünki Ýehu
aty aýagaldygyna çapdyrýandyr» diýip
habar berdi.

21 Ýoram: «Söweş arabasyny taýýar-
laň» diýdi. Olar onuň söweş arabasyny
taýýarladylar. Ysraýyl patyşasy Ýoram
bilen Ýahuda patyşasy Ahazýa hersi öz
söweş arabasynda ýola düşdüler. Olar
Ýehuwyň öňünden çykmaga gitdiler.
Olar ýizregelli Nabodyň melleginde
Ýehuwa sataşdylar. 22 Ýoram Ýehuwy gö-
rüp: «Ýehu, eýgilikmidir?» diýip sorady.
Ýehu: «Ejeň Izebeliň edýän köp zyna-
gärligi, jadygöýligi bilen eýgilik nireden
bolsun?!» diýip jogap berdi. 23 Onsoň
Ýoram Ahazýa: «Bu haýynlykdyr, Ahaz-
ýa!» diýip gygyryp, at arabasyny yzyna
öwürdi-de gaçdy. 24 Ýehu bar güýji bilen
ýaýyny çekip, Ýoramyň iki egniniň orta-
syndan urdy. Ok onuň ýüreginden geçip,
ol öz söweş arabasyna ýykyldy. 25 Ýehu
öz serkerdesi Bidkara şeýle diýdi: «Ony
galdyr-da, ýizregelli Nabodyň mellegine
taşla. Biz ata atlanyp, seniň bilen bile
Ýoramyň kakasy Ahabyň yzyndan gel-
ýärkäk, Rebbiň oňa garşy aýdan sözüni
ýadyňa sal: 26 „Düýn Men Nabodyň we
onuň ogullarynyň ganyny Öz gözüm
bilen gördüm. Men – Reb almytyňy edil
şu mellekde berjekdigimi aýdýandyryn“.
Şonuň üçin hem ony häzir Rebbiň aýdyşy
ýaly mellege taşla».

### *Ýehu Ýahuda patyşasy Ahazýany we şa aýaly Izebeli öldürýär*

27 Ýahuda patyşasy Ahazýa muny gö-
rüp, Beýthagana tarap gaçdy. Ýehu onuň
yzyndan kowup: «Ahazýany-da atyň»
diýdi. Olar Iblegam galasynyň gola-
ýyndaky Gur ýapgydynda Ahazýany
arabasynyň üstünde atyp ýaraladylar.
Onsoň Ahazýa Megido gaçyp baryp,
şol ýerde öldi. 28 Ahazýanyň hyzmatkär-
leri onuň jesedini arabada Iýerusalime
getirip, ony şol ýerde Dawut galasyn-
da öz guburynda, atalarynyň ýanynda
jaýladylar.

29 Ahabyň ogly Ýoramyň patyşalygy-
nyň on birinji ýylynda Ahazýa Ýahuda
patyşa bolupdy.

30 Ýehu Ýizregele gelende, muny Izebel
eşidip, gözlerine sürme çekdi, saçlaryna
timar berip, penjireden daşary seredip
durdy. 31 Ýehu derwezeden girende, Ize-
bel: «Sen hem öz jenabyny öldüren Zimri
ýalysyň! Eýgilige geldiňmi?» diýip so-
rady. 32 Ýehu başyny galdyryp, penjirä
tarap seredip: «Kim meniň tarapymda?
Kim bar?» diýip gygyrdy. Onsoň iki-üç
sany köşk agtasy ýokardan Ýehuwa se-
retdi. 33 Ýehu olara: «Izebeli ýere taşlaň»
diýip gygyrdy. Şeýdip, olar Izebeli ýere
taşladylar. Onuň gany diwaryň, atlaryň
ýüzüne syçrady. Atlar onuň jesedini
basgyladylar. 34 Onsoň Ýehu içeri girip,
iýip-içip: «Bu näletlenen aýalyň ugruna
çykyp, ony jaýlaň, çünki ol patyşanyň
gyzydyr» diýdi. 35 Olar ony jaýlamaga
gidenlerinde, onuň diňe kelle süňkünden,
aýaklaryndan, eliniň penjelerinden baş-
ga hiç zat tapmadylar. 36 Olar yzlaryna
gelip, gören zatlaryny Ýehuwa gürrüň

berdiler. Ýehu hem: «Ine, Rebbiň guly
tişbeli Ylýas arkaly aýdan sözi şudur:
„Izebeliň maslygyny Ýizregelde itler
iýer. 37Izebeliň jesedi Ýizregelde ekin
meýdanlaryna ders bolar. Şonuň üçin
hem hiç kim ony ‘Bu Izebeldir’ diýip
tanap bilmez“» diýdi.

## 10-njy bap

### *Ýehu Ahabyň nesillerini öldürýär*

1-2Ahabyň Samariýada ýetmiş ogly
we ogul agtyklary bardy. Ýehu Sama-
riýadaky Ýizregel baştutanlary bolan
ýaşululara we Ahabyň nesillerine hos-
sarlyk edýänlere şeýle mazmunly hat
ýazyp iberdi: «Jenabyňyzyň ogullarydyr
ogul agtyklary siziň ýanyňyzdadyr, şeý-
le hem atlar, söweş arabalary, gala we
ýaraglar siziň hyzmatyňyzdadyr. 3Haty
alan dessiňize patyşaňyzyň ogullarydyr
ogul agtyklaryndan iň mynasybyny
saýlap, ony atasynyň tagtynda oturdyp,
jenabyňyzyň ogullarydyr agtyklary üçin
uruş ediň». 4Samariýanyň baştutanla-
rynyň we Ahabyň nesillerine hossarlyk
edýänleriň gorkudan ýaňa ýürekleri
ýaryldy. Olar: «Seret, Ysraýyl patyşasy
Ýoram bilen Ýahuda patyşasy Ahazýa
Ýehuwa garşy durup bilmediler, onsoň
biz nädip oňa garşy duraly» diýişdiler.
5Şeýdip, köşgi dolandyryjy, şäher hä-
kimi, ýaşulular we Ahabyň nesillerine
hossarlyk edýänler Ýehuwa habar ýollap:
«Biz seniň gullaryň, biz seniň diýeniň
bilen bolarys. Biz hiç kimi patyşalyga
bellemeris. Özüň nämäni makul bilseň,
şony-da et» diýdiler. 6Onsoň Ýehu Sa-
mariýa ikinji hatyny ýollap şeýle diýdi:
«Eger siz meniň tarapymda bolup, meniň
diýenlerime boýun bolsaňyz, onda siz
patyşaňyzyň ogullarydyr agtyklarynyň
barynyň kellesini alyp, ertir şu wagt
meniň ýanyma Ýizregele geliň». Aha-
byň ýetmiş ogludyr agtyklary özlerini
terbiýeläp ýetişdiren şäher baştutanlary-
nyň ýanyndadylar. 7Olar haty alyp, onda
aýdylyşy ýaly patyşanyň ogullarydyr
agtyklarynyň ýetmişisini hem tutup,
olaryň kellelerini kesdiler. Olar patyşa
ogullarynyňdyr agtyklarynyň kellelerini
sebede salyp, Ýizregele Ýehuwyň ýany-
na iberdiler. 8Çapar gelip: «Patyşanyň
ogullarynyňdyr agtyklarynyň kelleleri
getirildi» diýip habar berdi. Ýehu: «Olary
iki üýşmek ediň-de, ertire çenli derwe-
zäniň agzynda goýuň» diýip tabşyryk
berdi. 9Ertesi ir bilen Ýehu halkyň öňüne
çykyp, şeýle diýdi: «Siz ýazyksyz adam-
lar. Jenabym Ýorama garşy dildüwşük
gurup, ony öldüren men. Emma bu ýa-
tanlary öldüren kim? 10Onda şuny bilip
goýuň. Rebbiň Ahabyň ogullarydyr ogul
agtyklaryna garşy aýdan sözleriniň hiç
biri hem ýerde galmaz, çünki Reb Öz
guly Ylýas arkaly diýen sözlerini berjaý
etdi». 11Şeýdip, Ýehu Ahabyň Ýizregelde
ýaşaýan garyndaşlarynyň baryny, onuň
ähli baştutanlaryny, ýakyn dostlaryny,
ruhanylaryny gyryp, ýekeje adamy hem
diri galdyrmady.
12-13Onsoň Ýehu Samariýa tarap ýola
düşdi. Ol ýolda çopanlaryň Beýteket
diýen düşelgesinde Ýahuda patyşasy
Ahazýanyň garyndaşlaryna sataşyp,
olardan: «Siz kim bolarsyňyz?» diýip
sorady. Olar: «Biz Ahazýanyň garyn-
daşlarydyrys. Biz şazadalar bilen, şa
aýalynyň ogullary bilen görme-görşe
barýardyk» diýip jogap berdiler. 14Ýe-
hu öz adamlaryna: «Bulary diri tutuň»
diýdi. Olar Ahazýanyň garyndaşlaryny
diri tutup, şol ýerdäki Beýteket guýy-
nyň ýanynda olaryň kyrk ikisini hem
öldürdiler. Ýehu olardan ýekejesini hem
diri galdyrmady.

15 Ýehu ol ýerden gaýdyp, özüni garşy-
lamaga gelýän Rekabyň ogly Ýonadaba
sataşdy. Ýehu oňa salam berip, ondan:
«Meniň ýüregimiň seniňki bilen bir
bolşy ýaly, seniň ýüregiň-de meniňki
bilen birmi?» diýip sorady. Ýonadap
hem: «Birdir» diýip jogap berdi. Ýehu:
«Eger şeýle bolsa, onda eliňi uzat» diýdi.
Ýonadap Ýehuwa tarap elini uzatdy. Ýehu
ony araba mündürdi. 16 Ýehu oňa: «Me-
niň bilen git-de, Rebbe wepalydygymy
gör» diýdi. Şeýdip, Ýehuwyň adamla-
ry Ýehonadaby onuň söweş arabasyna
mündürdiler. 17 Ýehu Samariýa gelip,
Rebbiň Ylýas arkaly aýdan sözüne görä
Ahabyň galan tohum-tijiniň baryny iň
soňkusyna çenli gyryp ýok etdi.

### *Ýehu Bagala sežde edýänleri ýok edýär*

18 Onsoň Ýehu bütin halky ýygnap,
olara ýüzlenip şeýle diýdi: «Siz Ahap
Bagala wepaly boldy diýip pikir edýän-
siňiz, emma meniň – Ýehuwyň Bagala
Ahapdan has wepalydygymy görersi-
ňiz. 19 Şonuň üçin hem şu wagt Bagalyň
pygamberleriniň, Bagala sežde edýänle-
riň, onuň ruhanylarynyň baryny meniň
ýanyma çagyryň. Olaryň ýekejesini
hem galdyrmaň, çünki men Bagala uly
gurbanlyk hödür etjek. Olaryň içinden
ýekejesi gelmän galaýsa, ol diri galmaz».
Emma bu Ýehuwyň Bagala sežde ed-
ýänleri ýok etmek üçin guran hilesidi.
20 Ýehu öz adamlaryna: «Bagalyň hatyra-
syna oňa sežde etmek üçin ýygnanyşyk
gününi yglan ediň» diýip buýruk berdi.
Ýehuwyň adamlary Bagala sežde edil-
meli güni yglan etdiler. 21 Ýehu tutuş
Ysraýyla habar ýollady. Bagala sežde
edýän ähli kişiler geldi, gelmän galan
ýekeje adam hem ýokdy. Gelen adam-
laryň bary Bagalyň buthanasyna girdi.
Buthana tä bosagasyna çenli adamdan
doldy. 22 Ýehu Bagala sežde edilende
geýilýän mukaddes donlary saklaýan
ruhana: «Bagala sežde edýänleriň ba-
ryna don getirip ber» diýdi. Ol sakçy
hem olaryň baryna don getirip berdi.
23 Onsoň Ýehu Rekabyň ogly Ýonadap
bilen Bagalyň buthanasyna girdi. Ýe-
hu Bagala sežde edýänlere ýüzlenip:
«Töwergiňize seredip görüň, araňyz-
da Rebbe sežde edýänlerden hiç kim
bolmasyn, diňe Bagala sežde edýänler
bolsun» diýdi. 24 Ondan soň Ýehu bi-
len Ýonadap gurbanlyklary we ýakma
gurbanlyklary hödürlemek üçin içeri
girdiler. Ýehu buthananyň daşynda seg-
sen adamy goýup, olara: «Siziň eliňize
berýän bu adamlarymdan ýekejesi gaçyp
gutulaýsa, olar üçin öz kelläňiz bilen
jogap berersiňiz» diýdi.

25 Ýehu ýakma gurbanlygyny berip
gutaran badyna, esgerlere we olaryň ser-
kerdelerine ýüzlenip: «Buthana giriň-de,
olaryň baryny gyryň, ýekejesini hem
gaçyraýmaň» diýdi. Şeýdip, olar Bagalyň
gullarynyň baryny gylyçdan geçirdiler.
Esgerler we serkerdeler olaryň jesetleri-
ni daşary çykaryp taşladylar. Soňra olar
Bagalyň buthanasyna ybadat edilýän
içki otaga girdiler. 26 Şol ýerde olar Baga-
lyň buthanasyndaky dikme daşy daşary
çykaryp, ony kül-owram etdiler. 27 Olar
Bagalyň dikme daşyny ýykdylar. Baga-
lyň buthanasyny ýykyp, ony hajathana
öwürdiler. Ol şu güne çenli hem şeýledir.

28 Şeýdip, Ýehu Ysraýylda Bagala sež-
de edilmeginiň soňuna çykdy. 29 Emma
Ýehu Nebadyň ogly Ýarobgamyň gü-
näli işlerinden el çekmedi. Ýarobgam
Beýteldäki we Dandaky altyn gölelere
sežde edip, ysraýyl halkyna günä etdirdi.
30 Reb Ýehuwa: «Sen Meniň nazarymda
dogry iş edip, Ahabyň tohum-tiji babatda

Meniň ýüregimiň islegini ýerine ýetirdiň.
Şonuň üçin hem seniň nesliň dördünji
arka çenli Ysraýyla patyşa bolar» diýdi.
31 Emma Ýehu Ysraýyl Hudaýy Rebbiň
kanunlaryny bütin kalby bilen berjaý
etmedi. Ol ysraýyl halkyna günä etdiren
Ýarobgamyň günälerinden el çekmedi.

### *Ýehuwyň ölümi*

32-33 Şol döwürde Reb Ysraýylyň
çäklerini kiçeltmäge başlady. Siriýa
patyşasy Hazaýyl Iordan derýasynyň
gündogaryndan gatlylara, rubenlile-
re we manaşalylara çenli bolan bütin
Gilgat topragyny, Arnon jülgesiniň
ýakasyndaky Arogerden Gilgada we
Başana çenli bolan tutuş ýurdy basyp
aldy. 34 Ýehuwyň galan işleri, ähli eden
işleri we edermenlikleri barada ysraýyl
patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda ýazy-
landyr. 35 Şeýdip, Ýehu ata-babalaryna
gowuşdy. Ol Samariýada atalarynyň
ýanynda jaýlandy. Onsoň onuň ornuna
Ýehuwyň ogly Ýehogahaz patyşa boldy.
36 Ýehu Samariýada Ysraýyla ýigrimi
sekiz ýyl patyşalyk etdi.

## 11-nji bap

### *Ýahuda şa aýaly Atalýa*

*(2 Ýyl ýazgylary 22:10–23:15)*

1 Ýahuda patyşasy Ahazýanyň ejesi
Atalýa oglunyň öldürilendigini eşiden
badyna, Ahazýa patyşanyň tohum-tiji-
niň baryny öldürtdi. 2 Emma Ýehoram
patyşanyň gyzy, Ahazýa patyşanyň aýal
dogany Ýehoşeba patyşanyň öldürilmeli
ogullarynyň içinden Ýowaşy ogurlap, ony
enekesi bilen ýatylýan otagda goýdy. Şeý-
dip, Ýehoşeba Ýowaşy Atalýadan gizledi
we ol ölmän galdy. 3 Ol Ýehoşeba bilen
alty ýyllap Rebbiň öýünde gizlenip gezdi.
Şol döwürde Atalýa ýurtda şalyk edýärdi.
4 Ýedinji ýylda Ýehoýada ruhany Kari
goşunynyň ýüzbaşylaryny we köşk ga-
rawullaryny öz ýanyna Rebbiň öýüne
çagyrdy. Onsoň Ýehoýada şol ýerde olar
bilen äht edişdi we olara ant içirip, soň
Ahazýa patyşanyň ogly Ýowaşy olara
görkezdi. 5 Ýehoýada baştutanlara şeýle
buýruk berdi: «Siz şeýle ediň: „Sabat güni
nobatçylyga geleniňiziň üçden biri paty-
şanyň köşgüni garawullasyn. 6 Beýleki
üçden biriňiz Sur derwezesini garawul-
laň. Üçünji bölegiňiz bolsa derwezede
beýleki garawullaryň arka tarapynda no-
batma-nobat garawulçylyk ediň. 7 Siziň
Sabat güni nobatçylykdan boşaýan iki
toparyňyz Rebbiň öýüni garawullama-
lydyr. 8 Ähliňiziň eliňiz ýaragly bolsun,
siz patyşanyň daşyny gabarsyňyz. Size
ýakynlaşan adam öldürilsin. Patyşa gir-
se-çyksa ýanynda boluň“».
9 Serkerdeler Ýehoýada ruhanynyň
tabşyran zatlaryny onuň aýdyşy ýaly
ýerine ýetirdiler. Olaryň hersi öz adamla-
ryny Sabat güni nobatçylyk edenleri we
nobatçylyk etmedikleri alyp, Ýehoýada
ruhanynyň ýanyna geldiler. 10 Ýehoýa-
da ruhany Dawut patyşanyň Rebbiň
öýündäki naýzalaryny, galkanlaryny
serkerdelere berdi. 11 Garawullaryň hersi
elleri ýaragly patyşany goramak üçin
Rebbiň öýüniň günortadan demirgazyk
tarapyna çenli gurbanlyk sypasynyň we
öýüň töwereginde durdular. 12 Onsoň Ýe-
hoýada Ahazýa patyşanyň ogly Ýowaşy
daşary çykaryp, başyna täç geýdirip, oňa
patyşalyk ähtiň nusgasyny berdi. Ýowa-
şyň başyna ýag guýup, ony patyşalyga
bellediler. Garawullar Ýowaşy patyşa
diýip yglan etdiler. Olar el çarpyşyp:
«Ýaşasyn patyşa!» diýip gygyryşdylar.
13 Atalýa garawullaryň we adamlaryň
sesini eşidip, halkyň ýanyna Rebbiň öýü-
ne geldi. 14 Görse, ine, patyşa adata görä

sütüniň ýanynda durdy. Serkerdelerdir
surnaýçylar-da patyşanyň ýanyndadylar.
Ýurduň bütin halky şatlanyp, surnaý
çalýardy. Atalýa ýakasyny ýyrtyp:
«Haýynlyk! Haýynlyk!» diýip gygyrdy.
15 Onsoň Ýehoýada ruhany goşun ýüzba-
şylaryna: «Atalýany bu ýerden çykaryň.
Onuň yzyna eýereni gylyçdan geçiriň»
diýip buýruk berdi. Çünki ruhany: «Goý,
ol Rebbiň öýünde öldürilmesin» diýipdi.
16 Şeýdip, olar Atalýany tutdular. Ony
At derwezesinden patyşanyň köşgüne
getirip, şol ýerde öldürdiler.

17 Halk Rebbiň halky bolar ýaly, Ýe-
hoýada Rebbiň, patyşanyň we halkyň
arasynda äht etdi. Şeýle hem patyşa bilen
halkyň arasynda-da äht etdi. 18 Onsoň
ýurduň bütin halky Bagalyň buthanasy-
na baryp, ony ýykdy. Ondaky gurbanlyk
sypalaryny, butlary döwüp, bölek-bölek
edip taşladylar. Olar Bagalyň ruhanysy
Mattany gurbanlyk sypalarynyň öňünde
öldürdiler. Onsoň Ýehoýada ruhany
Rebbiň öýüne garawullar goýdy. 19 Ol ýüz-
başylary, karileri, garawullary, ýurduň
bütin halkyny özi bilen alyp gitdi. Olar
patyşany Rebbiň öýünden garawullaryň
derwezesiniň ýoly bilen köşge getirdi-
ler. Ýowaş şa tagtynda oturdy. 20 Şeýdip,
ýurduň bütin ilaty şat boldy. Atalýa paty-
şanyň öýünde gylyç bilen öldürileninden
soň, şäherde ümsümlik boldy.

21 Ýowaş [a] patyşalyk edip başlanda,
ýedi ýaşyndady.

### 12-nji bap

*Ýahuda patyşasy Ýowaş*

1 Ysraýyl patyşasy Ýehuwyň şalygynyň
ýedinji ýylynda Ýowaş patyşalyk edip
başlady. Ol kyrk ýyllap Iýerusalimde
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Beýerşebadan
bolup, ady Sibýady. 2 Ýowaş ömürbo-
ýy Rebbiň nazarynda dogry işleri etdi,
çünki Ýehoýada ruhany oňa şeýle tälim
beripdi. 3 Muňa garamazdan, seždegähler
ýykylmandy. Halk entek-enteklerem şol
seždegählerde gurbanlyk berip, ýakymly
ysly tütetgi ýakýardy.

4 Ýowaş ruhanylara şeýle diýdi: «Siz
mukaddes sadaka hökmünde Rebbiň
öýüne bagyş edilen kümşüň, ilat sana-
wynda toplanan kümşüň, her kimiň öz
başyna düşen kesgitli möçberdäki beren
kümşüniň we her adamyň Rebbiň öýüne
meýletinlik bilen beren kümşüniň baryny
ýygnaň. 5 Goý, her bir ruhany şu hazyna-
darlaryň birinden kümüş alsyn-da, ony
Rebbiň öýüniň bejerdilmeli ýeri bar bolsa,
şony bejertmek üçin ulansyn». 6 Emma
Ýowaşyň patyşalygynyň ýigrimi üçünji
ýylynda-da ruhanylar Rebbiň öýüniň
bejerilmeli ýerlerini bejermändiler. 7 Şo-
nuň üçin hem Ýowaş patyşa Ýehoýada
ruhany bilen birlikde beýleki ruhanyla-
ry hem çagyryp, olara: «Siz näme üçin
Rebbiň öýüni bejermeýärsiňiz? Mundan
beýläk siz kümüş ýygnamaň. Ýygnalan
kümşi Rebbiň öýüni bejermäge beriň»
diýdi. 8 Şeýdip, ruhanylar halkdan kümüş
almazlyga we Rebbiň öýüni-de özleri
bejermezlige razylaşdylar.

9 Onsoň Ýehoýada ruhany bir sandygy
alyp, onuň gapagyndan bir deşik açdy-da,
ony gurbanlyk sypasynyň ýanynda, Reb-
biň öýüne girilýän ýeriň sag tarapynda
goýdy. Gapyny garawullaýan ruhanylar
Rebbiň öýüne getirilýän bar kümüşleri
şol sandygyň içine salardylar. 10 Sandykda
köp kümşüň toplanandygyny görenle-
rinde, patyşanyň kätibi bilen baş ruhany
gelip, Rebbiň öýündäki bar kümşi sanap,

[a] **11:21** ***Ýowaş*** – ýewreýçe *Ýehowaş*. Bu Ýowaşyň beýleki adydyr.

torbalara salyp çekerdiler. 11-12 Onsoň olar
çekilen kümşi Rebbiň öýünde işleýän
işçilere gözegçilik edýän baştutanlara
bererdiler. Olar hem şol kümüşden neç-
jarlara, Rebbiň öýünde işleýän ussalara,
daş örüjilere, daş ýonujylara iş hakyny
tölärdiler. Şonuň ýaly hem olar kümşi
Rebbiň öýüni bejertmek üçin agajy, ýo-
nulan daşlary satyn almaga we bejeriş
üçin zerur bolan başga zatlara harçlar-
dylar. 13 Emma Rebbiň öýüne getirilen
kümüşden Rebbiň öýi üçin hiç hili kümüş
legenler, müçenekler, şakäseler, surnaýlar
ýa-da altyndan, kümüşden başga hiç hili
gap-çanaklar ýasalmandy. 14 Çünki ol
kümüş Rebbiň öýüni bejerýän işçilere
berilýärdi. 15 Işçilere iş hakyny tölemek
üçin ellerine kümüş berlen adamlardan
kümşüň hetdi-hasaby soralmaýardy, çün-
ki ol adamlar sadyklyk bilen işleýärdiler.
16 Emma ýazyk sadakasy bilen günä sa-
dakasyna berlen kümüş Rebbiň öýüne
getirilmedi, çünki ol ruhanylaryňkydy.

17 Şol döwürde Siriýa patyşasy Ha-
zaýyl Gatyň üstüne çozup, ony basyp
aldy. Soňra ol Iýerusalime hüjüm etme-
gi ýüregine düwdi. 18 Ýahuda patyşasy
Ýowaş atalary bolan Ýahuda patyşalary
Ýehoşapadyň, Ýehoramyň, Ahazýanyň
Rebbe bagyş eden bar zatlaryny, özüniň
Rebbe bagyş eden bar zatlaryny, Rebbiň
öýüniň we patyşanyň öýüniň hazyna-
laryndaky altynyň baryny alyp, Siriýa
patyşasy Hazaýyla iberdi. Şondan soň
Hazaýyl Iýerusalimden el çekdi.

19 Ýowaşyň beýleki işleri we ähli
eden işleri ýahuda patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr. 20 Ýowa-
şyň emeldarlary oňa garşy dildüwşük
gurdular we ony Silla gidýän ýolda, Mil-
lonyň öýünde öldürdiler. 21 Bu işi eden
Ýowaşyň emeldarlary Şimgatyň ogly
Ýozabat bilen Şomeriň ogly Ýehozabatdy.
Ýowaş dünýäden ötdi we Dawut galasyn-
da, atalarynyň ýanynda jaýlandy. Onsoň
onuň ýerine ogly Amazýa patyşa boldy.

## 13-nji bap

### *Ysraýyl patyşasy Ýehogahaz*

1 Ýahuda patyşasy Ahazýanyň ogly
Ýowaşyň patyşalygynyň ýigrimi üçünji
ýylynda Ýehuwyň ogly Ýehogahaz Ysra-
ýyla patyşa bolup, Samariýada on ýedi
ýyl şalyk sürdi. 2 Ýehogahaz Rebbiň na-
zarynda ýigrenji işleri etdi. Ol Nebadyň
ogly Ýarobgamyň Ysraýyla etdiren gü-
näli ýollaryndan ýöräp, günä etmekden
el çekmedi. 3 Reb Ysraýyla garşy gahary
geldi. Ol ysraýyllary gaýta-gaýta Siriýa
patyşasy Hazaýylyň we Hazaýylyň ogly
Benhadadyň eline berdi. 4 Ýehogahaz
Rebbe ýalbardy, Reb hem ony eşitdi,
çünki Reb Ysraýylyň çekýän sütemini,
Siriýa patyşasynyň olara berýän ezýetini
gördi. 5 Şonuň üçin hem Reb Ysraýyla
bir halasgär berdi. Şondan soň olar Si-
riýanyň golastyndan çykdylar. Şeýdip,
ysraýyl halky öňküsi ýaly öz öýünde
asudalykda ýaşady. 6 Muňa garamazdan
ysraýyl halky Ýarobgamyň nesilleriniň
Ysraýyla etdiren günälerinden el çekmän,
gaýtam günä gazanmagyny dowam
etdirdi. Aşera buty hem Samariýada
galdy. 7 Şeýdip, Ýehogahazyň diňe elli
sany söweş arabaly esgerinden, on söweş
arabasyndan we on müň pyýada goşu-
nyndan başga goşuny galmady, çünki
Siriýa patyşasy olary harman tozy kimin
ýok edipdi. 8 Ýehogahazyň beýleki işleri,
ähli eden işleri we edermenligi barada
ysraýyl patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. 9 Şeýdip, Ýehogahaz ata-
babalaryna gowuşdy. Ol Samariýada
atalarynyň ýanynda jaýlandy. Onsoň
onuň ýerine ogly Ýehowaş patyşa boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Ýehowaş*

10 Ýahuda patyşasy Ýowaşyň şalygynyň
otuz ýedinji ýylynda Ýehogahazyň ogly
Ýehowaş Ysraýyla patyşa bolup, Sama-
riýada on alty ýyl şalyk sürdi. 11 Ýehowaş
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri etdi. Ol
Nebadyň ogly Ýarobgamyň Ysraýyla
etdiren günälerinden el çekmän, gaý-
tam ony dowam etdirdi. 12 Ýehowaşyň
beýleki işleri we ähli eden işleri, Ýahuda
patyşasy Amazýa garşy eden uruşlaryn-
da görkezen edermenligi barada ysraýyl
patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda ýazylan-
dyr. 13 Şeýdip, Ýehowaş ata-babalaryna
gowuşdy. Ol Samariýada Ysraýyl pa-
tyşalarynyň ýanynda jaýlandy. Onsoň
onuň ýerine ogly Ýarobgam tagta çykdy.

### *Elýaşa pygamberiň ölümi*

14 Elýaşa agyr keselläp ýatyrdy. Onuň
ölmeli pursady golaýlanda, Ysraýyl
patyşasy Ýehowaş Elýaşanyň halyny
soramaga geldi. Ol: «Eý, atam, atam!
Ysraýylyň söweş arabalary bilen söweş
arabaly esgerleri!» diýip, sesli aglady.
15 Elýaşa Ýehowaşa: «Ýaýy hem oklary
al» diýdi. Ýehowaş ýaý bilen oklary al-
dy. 16 Elýaşa Ysraýyl patyşasyna: «Ýaýy
çek» diýdi. Ýehowaş onuň aýdyşy ýaly
ýaýy çekdi. Elýaşa ellerini patyşanyň
elleriniň üstünde goýdy. 17 Soňra ol Ýe-
howaşa: «Gündogar tarapdaky penjiräni
aç» diýdi. Ýehowaş ol penjiräni açdy.
Elýaşa Ýehowaşa: «At» diýdi. Ýehowaş
atdy. Onsoň Elýaşa Ýehowaşa ýüzlenip,
şeýle diýdi: «Bu Rebbiň ýeňiş okudyr,
Siriýanyň üstünden ýeňiş okudyr! Sen
Apekde siriýalylara garşy urşup, olary iň
soňkusyna çenli gyryp ýok etmelisiň».
18 Elýaşa dowam edip, Ýehowaşa: «Okla-
ry al» diýdi. Ol hem oklary aldy. Elýaşa
Ysraýyl patyşasyna: «Oklary ýere ur»
diýdi. Ýehowaş hem oklary ýere üç ge-
zek urdy-da saklandy. 19 Onsoň Hudaýyň
adamynyň oňa gahary gelip: «Sen bäş
ýa-da alty gezek urmalydyň, şonda siri-
ýalylary soňuna çenli gyrardyň. Indi sen
Siriýany diňe üç gezek ýeňersiň» diýdi.
20 Şeýdip, Elýaşa dünýäden ötdi we
ony jaýladylar. Mowaplylaryň leşgerleri
her baharda Ysraýyl topragyna çozup
girerdiler. 21 Bir sapar ysraýyllar ölüsini
jaýlap durkalar, leşgerleriň gelýänini
görüp, ýaňky ölini Elýaşanyň gabry-
na taşladylar-da gaçdylar. Ol öli adam
Elýaşanyň süňklerine galtaşan badyna
direlip, aýaga galdy.

### *Ysraýyl Siriýany ýeňýär*

22 Siriýa patyşasy Hazaýyl Ýehogaha-
zyň bütin ömrüne Ysraýyla sütem edip
gelipdi. 23 Emma Reb Ybraýym, Yshak
we Ýakup bilen eden ähti üçin ysra-
ýyllara merhemet edip, rehim-şepagat
görkezdi we olary goldady. Reb olary
heläk etmek islemedi. Şu wagta çenli
hem olary Öz huzuryndan kowmady.
24 Siriýa patyşasy Hazaýyl dünýäden
ötdi we onuň ýerine ogly Benhadat paty-
şa boldy. 25 Ýehogahazyň ogly Ýehowaş
Hazaýylyň ogly Benhadada garşy urşup,
onuň kakasy Ýehogahaza garşy urşup
alan galalarynyň baryny Benhadadyň
elinden aldy. Ýehowaş Benhadady üç
gezek ýeňlişe sezewar edip, Ysraýylyň
galalaryny yzyna gaýtaryp aldy.

## 14-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Amazýa*
*(2 Ýyl ýazgylary 25:1-24)*

1 Ýehogahazyň ogly Ysraýyl patyşasy
Ýehowaşyň şalygynyň ikinji ýylynda
Ýowaşyň ogly Amazýa Ýahuda patyşa
boldy. 2 Ol patyşa bolan wagty ýigrimi

bäş ýaşyndady. Ol Iýerusalimde ýigri-
mi dokuz ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi
Iýerusalimden bolup, ady Ýehogadyndy.
3 Amazýa Rebbiň nazarynda dogry işleri
etse-de, atasy Dawut ýaly däldi. Ol ka-
kasy Ýowaşyň eden işleri ýaly işler etdi.
4 Emma seždegähler aýrylmady. Adamlar
entek-enteklerem şol ýerlerde gurbanlyk
berip, ýakymly ysly tütetgi ýakýardylar.
5 Amazýa öz patyşalygyny kuwwatlan-
dyryp, patyşa wagty kakasyny öldüren
hyzmatkärleri öldürdi. 6 Ýöne Musanyň
Töwratda berlen tabşyryklaryny berjaý
edip, Amazýa kakasyny öldüren hyzmat-
kärleriň ogullaryny öldürmedi, çünki
Reb şol kitapda: «Atalar ogullary üçin
ölüme höküm edilmesin. Ogullar hem
atalary üçin ölüme höküm edilmesin. Her
kim diňe öz eden jenaýatyna görä ölüme
höküm edilsin» diýip tabşyryk beripdi [a].

7 Amazýa Duz jülgesinde on müň sany
edomlyny gyryp, Sela galasyny basyp
aldy. Ol Sela galasyny Ýokteýel diýip
atlandyrdy. Ol şu güne çenli hem şeýle
atlandyrylyp gelýär.

8 Onsoň Amazýa Ýehogahazyň og-
ly, Ýehuwyň agtygy Ysraýyl patyşasy
Ýehowaşa çaparlar ýollap: «Gel, ýüzbe-
-ýüz görüşeli» diýdi. 9 Ysraýyl patyşasy
Ýehowaş Ýahuda patyşasy Amazýanyň
ýanyna adam iberip, şeýle diýdi: «Liwan-
daky ýandak Liwandaky kedr agajyna
sawçy ýollap: „Gyzyňy ogluma aýallyga
ber“ diýip sorapdyr. Emma Liwandaky
bir wagşy haýwan geçip barýarka ýanda-
gy depeläpdir. 10 Elbetde, sen edomlylary
gyrdyň we muňa seniň göwnüň galk-
dy. Şu ýeňşiňe guwan-da, öýüňde otur.
Sen näme üçin uruşmaga bahana ag-
tarýarsyň? Sen özüňiň we Ýahudanyň
halkynyň başyna bela getirersiň».

11 Emma Amazýa muňa gulak asmady.
Şeýdip, Ysraýyl patyşasy Ýehowaş öz
goşuny bilen Ýahuda patyşasy Amaz-
ýanyň üstüne gitdi. Ýehowaş Ýahudanyň
Beýtşemeş diýen ýerinde Amazýa garşy
uruşda onuň bilen ýüzbe-ýüz boldy. 12 Ýa-
hudalar ysraýyl halkyndan ýeňlip, öz
çadyrlaryna tarap gaçyp gitdiler. 13 Ysra-
ýyl patyşasy Ýehowaş Ahazýanyň agtygy,
Ýowaşyň ogly Ýahuda patyşasy Amazýa-
ny Beýtşemeşde tutdy. Onsoň Ýehowaş
Iýerusalime gelip, Iýerusalimiň diwa-
rynyň Efraýym derwezesinden Künç
derwezesine çenli bolan dört ýüz tirsek
aralygyny ýykdy. 14 Ýehowaş Rebbiň
öýüniň we patyşanyň öýüniň hazyna-
laryndaky altyn-kümşüň, gap-gaçlaryň
baryny, bulardan daşary-da ýesir alnan
adamlary alyp, Samariýa dolanyp geldi.

15 Ýehowaşyň beýleki işleri, ähli eden
işleri, edermenligi we Ýahuda patyşasy
Amazýa bilen eden urşy barada ysra-
ýyl patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. 16 Ýehowaş ata-babalaryna
gowuşdy. Ol Samariýada Ysraýyl pa-
tyşalarynyň ýanynda jaýlandy. Onsoň
onuň ýerine ogly Ýarobgam patyşa boldy.

17 Ýowaşyň ogly Ýahuda patyşasy
Amazýa Ýehogahazyň ogly bolan Ys-
raýyl patyşasy Ýehowaş ölenden soňra
on bäş ýyl ýaşady. 18 Amazýanyň beýleki
işleri ýahuda patyşalarynyň ýyl ýazgyla-
rynda ýazylandyr. 19 Iýerusalimde onuň
garşysyna dildüwşük guraldy. Onsoň
Amazýa Lakyşa gaçyp gitdi. Emma
onuň yzyndan Lakyşa adam iberip,
olar ony şol ýerde öldürdiler. 20 Onsoň
Amazýanyň jesedini atlara ýükläp ge-
tirdiler-de, ony Iýerusalimde Dawut
galasynda, atalarynyň ýanynda jaýlady-
lar. 21 Bütin ýahuda halky Amazýanyň

[a] **14:6** Seret: Kan 24:16.

on alty ýaşyndaky ogly Uzyýany kakasy
Amazýanyň ýerine patyşa etdi. 22 Uzyýa
kakasy Amazýa ata-babalaryna gowşan-
dan soň, Eýlat galasyny täzeden dikeldip,
ony Ýahuda gaýtaryp berdi.

### *Ysraýyl patyşasy Ýarobgam*

23 Ýowaşyň ogly Ýahuda patyşasy
Amazýanyň şalygynyň on bäşinji ýyl-
ynda Ýehowaşyň ogly Ysraýyl patyşasy
Ýarobgam Samariýa patyşa bolup, kyrk
bir ýyl şalyk sürdi. 24 Ýarobgam Rebbiň
nazarynda ýigrenji işleri etdi. Ol Neba-
dyň ogly Ýarobgamyň Ysraýyla etdiren
günälerinden el çekmedi. 25 Ýarobgam
Ysraýyl Hudaýy Rebbiň Öz guly gathe-
perli Emitaýyň ogly Ýunus pygamber
arkaly aýdyşy ýaly, Ysraýyl çägini Le-
bohamatdan Araba deňzine çenli bolan
aralykda täzeden dikeltdi. 26 Çünki Reb
Ysraýylyň agyr muşakgatyny gördi. Ys-
raýylda olara kömek berer ýaly gulam,
azat adamam galmandy. 27 Ýöne Reb Ys-
raýylyň adyny gökleriň astyndan öçürjek
diýip aýtmandy. Reb ysraýyllary Ýeho-
waşyň ogly Ýarobgam arkaly halas etdi.
28 Ýarobgamyň beýleki işleri, ähli
eden işleri, edermenligi, nähili söwe-
şeni we onuň öň Ýahuda degişli bolan
Damasky we Hamaty Ysraýyla gaýtaryp
berşi barada ysraýyl patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr. 29 Ýarobgam
ata-babalaryna gowuşdy. Ol atalarynyň
hem-de Ysraýyl patyşalarynyň ýanynda
jaýlandy. Onsoň onuň ýerine ogly Za-
karýa patyşa boldy.

## 15-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Uzyýa*
*(2 Ýyl ýazgylary 26:1-23)*

1 Ysraýyl patyşasy Ýarobgamyň şalygy-
nyň ýigrimi ýedinji ýylynda Amazýanyň
ogly Ýahuda patyşasy Uzyýa patyşalyk
edip başlady. 2 Uzyýa patyşa bolanda
on alty ýaşyndady. Ol Iýerusalimde
elli iki ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi
Ýekolýa Iýerusalimdendi. 3 Uzyýa öz
kakasy Amazýa ýaly Rebbiň nazarynda
dogry işleri etdi. 4 Muňa garamazdan
Uzyýa seždegähleri aýyrmady. Bütin
halk entek-enteklerem şol ýerlere baryp
gurbanlyk berip, ýakymly ysly tütetgi
ýakýardy. 5 Reb oňa ýokançly deri keseli
bilen ezýet berdi. Ol tä ölýänçä ýokançly
deri keselinden ejir çekip, aýratyn ýerde
ýaşady. Patyşanyň ogly Ýotam ýurtdaky
halka baştutanlyk edip, köşgi dolandyrdy.
6 Uzyýanyň beýleki işleri we ähli
eden işleri ýahuda patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr. 7 Uzyýa ata-ba-
balaryna gowuşdy. Ol Dawut galasynda,
atalarynyň ýanynda jaýlandy. Onsoň
onuň ýerine ogly Ýotam patyşa boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Zakarýa*

8 Ýahuda patyşasy Uzyýanyň şalygy-
nyň otuz sekizinji ýylynda Ýarobgamyň
ogly Zakarýa Ysraýyla patyşa bolup,
Samariýada alty aý şalyk sürdi. 9 Zakar-
ýa hem atalary ýaly Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi. Ol Nebadyň ogly
Ýarobgam Ysraýyla etdiren günälerin-
den el çekmedi. 10 Ýabeşiň ogly Şallum
Zakarýa garşy dildüwşük gurap, ony
halkyň öňünde urup öldürdi-de, onuň
ýerine özi patyşa boldy.
11 Zakarýanyň beýleki işleri ysraýyl
patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda ýazylan-
dyr. 12 Rebbiň Ýehuwa: «Seniň nesilleriň
dördünji arka çenli Ysraýyl tagtynda otu-
rarlar» diýip beren wadasy berjaý boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Şallum*

13 Ýahuda patyşasy Uzyýanyň şalygy-
nyň otuz dokuzynjy ýylynda Ýabeşiň

ogly Şallum patyşa bolup, Samari-
ýada bir aý patyşalyk etdi. 14 Onsoň
Gadynyň ogly Menahym Tirsadan
çykyp, Samariýa geldi. Ol Samari-
ýada Ýabeşiň ogly Şallumy öldürip,
özi onuň ýerine patyşa boldy. 15 Şallu-
myň beýleki işleri, guran dildüwşügi
barada ysraýyl patyşalarynyň ýyl ýaz-
gylarynda ýazylandyr. 16 Şol döwürde
Menahym Tirsadan başlap, Tipsada
we onuň etraplarynda ýaşaýanlaryň
baryny gyrdy. Özüne galanyň der-
wezesini açmandyklary üçin, olaryň
baryny gyrdy we göwreli aýallarynyň
garynlaryny ýardy.

### *Ysraýyl patyşasy Menahym*

17 Ýahuda patyşasy Uzyýanyň şalygy-
nyň otuz dokuzynjy ýylynda Gadynyň
ogly Menahym Ysraýyla patyşa boldy.
Ol Samariýada on ýyl patyşalyk etdi.
18 Menahym Rebbiň nazarynda ýigrenji
işleri etdi. Ol bütin ömrüne Nebadyň
ogly Ýarobgamyň Ysraýyla etdiren gü-
nälerinden el çekmedi. 19 Aşur patyşasy
Pul [a] Ysraýyla hüjüm etdi. Menahym
öz patyşalygyny kuwwatlandyrmaga
kömek ederi ýaly, Pula bir müň ýedi
ýüz batman [b] kümüş berdi. 20 Menahym
Aşur patyşasyna kümüş bermek üçin
Ysraýyldaky baýlaryň baryna jan başy-
na bir ýüz mysgaldan [ç] gowrak kümüş
salgyt saldy. Şondan soň Aşur patyşasy
ýurtda galman yzyna gaýtdy.
21 Menahymyň beýleki işleri we ähli
eden işleri barada ysraýyl patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr. 22 Me-
nahym ata-babalaryna gowuşdy. Ogly
Pekahýa onuň ýerine patyşa boldy.

### *Ysraýyl patyşasy Pekahýa*

23 Ýahuda patyşasy Uzyýanyň şalygy-
nyň ellinji ýylynda Menahymyň ogly
Pekahýa Ysraýyla patyşa bolup, Sama-
riýada iki ýyl şalyk sürdi. 24 Pekahýa
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri etdi.
Ol Nebadyň ogly Ýarobgamyň Ysra-
ýyla etdiren günälerinden el çekmedi.
25 Öz serkerdesi Remalýanyň ogly Peka
elli sany gilgatly bilen Pekahýa garşy
dildüwşük gurady. Peka Samariýada
köşgüň içki galasynda Argop we Arýe
bilen birlikde Pekahýanyň üstüne hü-
jüm edip, ony öldürip, ýerine özi patyşa
boldy. 26 Pekahýanyň beýleki işleri we
ähli eden işleri ysraýyl patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr.

### *Ysraýyl patyşasy Peka*

27 Ýahuda patyşasy Uzyýanyň şaly-
gynyň elli ikinji ýylynda Remalýanyň
ogly Peka Ysraýyla patyşa bolup, Sama-
riýada ýigrimi ýyl şalyk sürdi. 28 Peka
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri etdi.
Ol Nebadyň ogly Ýarobgamyň Ysraýyla
etdiren günälerinden el çekmedi.
29 Ysraýyl patyşasy Pekanyň döwründe
Aşur patyşasy Tiglatpileser gelip, Ýyony,
Abelbeýtmagakany, Ýanowany, Kede-
şi, Hasory, Gilgady, Jeliläni we tutuş
Naftaly ýurduny basyp alyp, olaryň halk-
laryny Aşura ýesir edip äkitdi. 30 Onsoň
Elanyň ogly Hoşeýa Remalýanyň ogly
Peka garşy dildüwşük gurap, onuň üs-
tüne hüjüm etdi we ony öldürdi. Soňra
Uzyýanyň ogly Ýotamyň patyşalygynyň
ýigriminji ýylynda Hoşeýa Pekanyň
ýerine patyşa boldy. 31 Pekanyň beýleki

[a] **15:19** ***Pul*** – Puluň beýleki ady Tiglatpileser. Seret: 2Pat 15:29.
[b] **15:19** ***Bir müň ýedi ýüz batman*** – ýewreýçe *müň kikkar*. Bu takm. 34 tonna deňdir.
[ç] **15:20** ***Bir ýüz mysgal*** – ýewreýçe *elli şekel*. Bu takm. 600 gr deňdir.

işleri we ähli eden işleri ysraýyl patyşa-
larynyň ýyl ýazgylarynda ýazylandyr.

### *Ýahuda patyşasy Ýotam*
*(2 Ýyl ýazgylary 27:1-9)*

32 Remalýanyň ogly Ysraýyl patyşa-
sy Pekanyň şalygynyň ikinji ýylynda
Uzyýanyň ogly Ýahuda patyşasy Ýotam
patyşalyk edip başlady. 33 Ýotam patyşa
bolan wagty ýigrimi bäş ýaşyndady. Ol
Iýerusalimde on alty ýyl patyşalyk etdi.
Onuň ejesi Ýeruşa Sadogyň gyzydy.
34 Ýotam kakasy Uzyýa ýaly Rebbiň
nazarynda dogry işleri etdi. 35 Muňa
garamazdan, ol seždegähleri aýyrmady.
Halk entek-enteklerem şol ýerlere baryp,
gurbanlyk berip, ýakymly ysly tütetgi
ýakýardy. Ýotam Rebbiň öýüniň demir-
gazyk derwezesini gurdy. 36 Ýotamyň
beýleki işleri we ähli eden işleri ýa-
huda patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. 37 Şol döwürde Reb Siriýa
patyşasy Resini, Remalýanyň ogly Pe-
kany Ýahudanyň garşysyna goýberip
başlady. 38 Ýotam ata-babalaryna go-
wuşdy. Ol Dawut galasynda, atalarynyň
ýanynda jaýlandy. Ogly Ahaz onuň ýe-
rine patyşa boldy.

## 16-njy bap

### *Ýahuda patyşasy Ahaz*
*(2 Ýyl ýazgylary 28:1-27)*

1 Remalýanyň ogly Pekanyň şalygy-
nyň on ýedinji ýylynda Ýotamyň ogly
Ahaz Ýahuda patyşa boldy. 2 Ahaz patyşa
bolan mahaly ýigrimi ýaşyndady. Ol
Iýerusalimde on alty ýyl patyşalyk etdi.
Ahaz atasy Dawudyň yzyna eýermän,
öz Hudaýy Rebbiň nazarynda nädogry
işleri etdi. 3 Ahaz Ysraýyl patyşalarynyň
ýoly bilen ýöräp, Rebbiň ysraýyllaryň
ýurdundan kowup çykaran milletleriniň
ýigrenji adaty boýunça öz ogluny otdan
geçirdi. 4 Ol seždegählerde, baýyrlyk-
larda we gür ýaprakly her bir agajyň
astynda gurbanlyk berýärdi, ýakymly
ysly tütetgi tütedýärdi.

5 Şol wagt Siriýa patyşasy Resin bilen
Ysraýyl patyşasy Remalýanyň ogly Peka
Iýerusalimiň üstüne hüjüm edip, onuň
daşyny gabadylar. Emma şonda-da ony
ýeňip bilmediler. 6 Şol döwürde Siriýa
patyşasy Resin Eýlaty aram halkyna
gaýtaryp berdi we ýahudalary Eýlat-
dan kowup çykardy. Edomlylar Eýlata
geldiler we olar şu güne çenli hem şol
ýerde ýaşaýarlar. 7 Ahaz Aşur patyşasy
Tiglatpileseriň ýanyna çaparlar ýollap:
«Men seniň guluň hem-de ogluňdyryn.
Gel-de, maňa garşy hüjüm edýän Siri-
ýa patyşasy bilen Ysraýyl patyşasynyň
elinden meni gutar» diýdi. 8 Ahaz Rebbiň
öýündäki we patyşanyň öýündäki ha-
zynalarynda bar bolan altyndyr kümşi
alyp, sowgat hökmünde Aşur patyşasyna
iberdi. 9 Aşur patyşasy Ahazyň sözüne
gulak asdy. Aşur patyşasy Damaska
garşy hüjüm edip, ony basyp aldy-da,
ilatynyň baryny Kire ýesir edip äkitdi
we Resini öldürdi.

10 Ahaz patyşa Aşur patyşasy Tiglatpi-
leseri garşylamak üçin Damaska baranda,
Damaskdaky gurbanlyk sypasyny görüp,
onuň nusgasyny we teswirini edil bolşy
ýaly edip, Uryýa ruhana iberdi. 11 Uryýa
ruhany Ahaz patyşanyň Damaskdan
iberen nusgasyna görä gurbanlyk sy-
pasyny ýasady. Uryýa muny patyşa
Damaskdan gelmänkä ýasap gutardy.
12-13 Ahaz patyşa Damaskdan gelende,
gurbanlyk sypasyny gördi. Ol gurbanlyk
sypasynyň ýanyna gelip, onuň üstün-
de öz ýakma gurbanlygyny we galla
sadakasyny hödür etdi, içgi sadakasy-
ny guýdy, salamatlyk gurbanlygynyň

ganyny gurbanlyk sypasyna tarap serpdi.
14 Ahaz patyşa Rebbiň huzuryndaky
öýüň öň tarapynda, öz gurbanlyk sypa-
sy bilen Rebbiň öýüniň arasynda duran
bürünçden ýasalan gurbanlyk sypasyny
aýryp, ony öz gurbanlyk sypasynyň
demirgazyk tarapynda goýdy. 15 Ahaz pa-
tyşa Uryýa ruhana şeýle tabşyryk berdi:
«Ertiriň ýakma gurbanlygyny, agşamyň
galla sadakasyny, patyşanyň ýakma
gurbanlygyny, galla sadakasyny ýurduň
tutuş ilatynyň ýakma gurbanlyklaryny,
galla sadakalaryny, içgi sadakalaryny
şu uly gurbanlyk sypasynyň üstünde
ber we ýakma gurbanlygynyň hem-de
gurbanlyklaryň ganlaryny gurbanlyk
sypasyna serp. Emma bürünç gurbanlyk
sypasyny meniň maslahat soramagym
üçin ulanmaga goýuň». 16 Uryýa ruhany-
da Ahaz patyşanyň tabşyran zatlarynyň
baryny aýdyşy ýaly ýerine ýetirdi.

17 Onsoň Ahaz patyşa arabalaryň gap-
dallaryny kesip, olaryň üstündäki legeni
aýyrdy. Ol howzy aşagyndaky bürünç
öküzleriň üstünden aýryp, ony bir daş
sekiniň üstünde goýdy. 18 Ahaz Sabat
güni üçin ulanylýan Rebbiň öýündäki
gurlan bassyrmany we patyşa üçin niýet-
lenen daşky girelgäni aýyrdy. Ol muny
Aşur patyşasynyň göwnünden turmak
üçin şeýle etdi. 19 Ahazyň beýleki işleri
ýahuda patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. 20 Ahaz ata-babalaryna go-
wuşdy. Ol Dawut galasynda, atalarynyň
ýanynda jaýlandy. Ogly Hizkiýa onuň
ýerine patyşa boldy.

## 17-nji bap

### *Ysraýyl patyşasy Hoşeýa*

1 Ýahuda patyşasy Ahazyň şalygynyň
on ikinji ýylynda Elanyň ogly Hoşe-
ýa Ysraýyla patyşa bolup, Samariýada
dokuz ýyl patyşalyk etdi. 2 Hoşeýa Reb-
biň nazarynda ýigrenji işleri etdi, ýöne
ol özünden ozalky Ysraýyl patyşalary
ýaly däldi. 3 Aşur patyşasy Şalmane-
ser Hoşeýa garşy hüjüm etdi. Hoşeýa
Şalmanesere tabyn bolup, oňa salgyt
töledi. 4 Emma Aşur patyşasy Hoşeýanyň
dönüklik edýänini gördi, çünki Hoşeýa
Müsür patyşasy Sonuň ýanyna çaparlar
ýollapdy hem-de ol her ýylkysy ýaly
Aşur patyşasyna tölemeli salgydyny tö-
lemändi. Şonuň üçin hem Aşur patyşasy
ony tutup tussaghana saldy.

### *Ysraýyllar ýesir edilip äkidilýär*

5 Soňra Aşur patyşasy tutuş ýurdy eýe-
läp, Samariýa bardy we üç ýyllap onuň
daşyny gabady. 6 Hoşeýanyň şalygynyň
dokuzynjy ýylynda Aşur patyşasy Sa-
mariýany basyp alyp, ysraýyllary Aşura
ýesir edip äkitdi we olary Halada, Habor
derýasynyň ýakasyndaky Gozanda we
Madaý galalarynda ýerleşdirdi.

7 Bu ysraýyl halkynyň özüni Müsür
patyşasy faraonyň golastyndan azat
edip, Müsürden çykaran Hudaýy Reb-
biň garşysyna günä edendigi we başga
hudaýlara seždе edendigi üçin şeýle
boldy. 8 Olar öz ýurtlaryndan Rebbiň
kowup çykaran milletleriniň adatlary-
na we Ysraýyl patyşalarynyň çykaran
adatlaryna eýerdiler. 9 Ysraýyl halky
gizlinlikde Hudaýy Rebbiň garşysyna
pis işleri etdi. Olar hemme ýerde – iň
kiçi obadan tä uly gala çenli ähli ýer-
de seždegähleri gurdy. 10 Olar her bir
beýik baýyrda hem-de gür ýaprakly
her bir agajyň astynda dikme daşlary
we Aşera butlaryny dikdiler. 11 Olar şol
seždegählerde Rebbiň öz ýurtlaryn-
dan kowup çykaran milletleriniň edişi
ýaly sadakalar berdiler. Olar pis işleri
edip, Rebbiň gaharyny getirdiler. 12 Olar

Rebbiň: «Siz butlara sežde etmäň» di-
ýip aýdan sözüne gulak asman, butlara
sežde etdiler. 13 Emma Reb şonda-da
ähli pygamberler we görgürler arkaly
ysraýyl we ýahuda halklaryna duýduryş
berip, şeýle diýipdi: «Siz bu pis ýolla-
ryňyzdan dönüň, atalaryňyza tabşyran,
gullarym pygamberler arkaly size ýollan
kanunyma görä Meniň tabşyryklary-
my we parzlarymy berjaý ediň». 14 Olar
Rebbe gulak asmadylar we öz Hudaýy
bolan Rebbe iman etmedik atalary ýaly
boýnuýogynlyk etdiler. 15 Olar Rebbiň
parzlaryny, atalary bilen eden ähtini,
Onuň beren duýduryşlaryny ret etdiler.
Olar dereksiz hudaýlaryň yzyna eýerip,
özleri hem dereksiz adamlar boldular.
Olar Rebbiň: «Töweregiňizdäki mil-
letler ýaly ýaşamaň» diýip tabşyran
milletleriniň yzlaryna eýerdiler. 16 Olar
Hudaýy Rebbiň ähli tabşyryklaryndan
ýüz dönderdiler-de, özleri üçin iki sany
guýma göle butuny we Aşera butuny ýa-
sap, asman jisimlerine sežde etdiler we
Bagala gulluk etdiler. 17 Olar ogullaryny
we gyzlaryny otdan geçirdiler, palçylyk
we jadygöýlik bilen meşgullandylar. Olar
Rebbiň nazarynda ýigrenji işlere baş
urup, Onuň gaharyny getirdiler. 18 Reb
Ysraýyla garşy gahardan ýaňa lowlap,
olary ret etdi. Ýahuda tiresinden başga
ýekeje adam-da galmady.

19 Ýahuda halky hem öz Hudaýy Reb-
biň tabşyryklaryny berjaý etmedi, ol-da
ysraýyllaryň adatlaryna eýerdi. 20 Reb
bütin Ysraýyl nesillerinden ýüz dönder-
di. Ol olary jezalandyryp, talaňçylaryň
eline berdi. Şeýdip, Reb olaryň baryny
Öz huzuryndan ýok etdi.

21 Reb Ysraýyly Dawudyň nesilleriniň
elinden alandan soň, ysraýyllar Ne-
badyň ogly Ýarobgamy patyşa etdiler.
Ýarobgam ysraýyllary Rebbiň ýolundan
azaşdyryp, olara uly günäler etdirdi.
22-23 Ysraýyl halky Ýarobgamyň eden
günälerini gaýtalady. Rebbiň Öz gullary
pygamberler arkaly aýdyşy ýaly, ysraýyl
halkyny huzuryndan ýok edýänçä, olar
günä etmekden el çekmediler. Şeýdip,
olar öz ýurtlaryndan Aşura sürgün edil-
diler we olar tä şu güne çenli hem şol
ýerdedirler.

### *Aşurlylar Ysraýylda mesgen tutýarlar*

24 Aşur patyşasy Babyldan, Kutdan,
Awadan, Hamatdan we Separwaýymdan
adamlary getirip, olary ysraýyllaryň
ýerine Samariýanyň galalarynda ýer-
leşdirdi. Olar Samariýany eýeläp, onuň
galalarynda mesgen tutdular. 25 Bu dürli
milletleriň halklary Samariýada ilki
ornaşan wagtlarynda Rebbe ybadat et-
mediler. Şonuň üçin hem Reb olaryň
arasyna ýolbarslar iberdi. Ýolbarslar
olaryň birnäçesini öldürdiler. 26 Onsoň
Aşur patyşasyna şeýle habar berildi:
«Seniň ýesir edip, Samariýa şäherlerinde
ýerleşdiren milletleriň Ysraýyl Hudaýy-
nyň adatlaryny bilmeýärler. Şonuň üçin
hem bu ýurduň Hudaýy olaryň üstüne
ýolbarslar iberdi. Ýolbarslar-da olary öl-
dürýärler». 27 Onsoň Aşur patyşasy şeýle
tabşyryk berdi: «Samariýadan sürgün
edilip getirilen ruhanylaryň birini boşa-
dyp, yzyna iberiň. Goý, ol ruhany gidip,
Samariýada ýaşasyn hem-de şol ýerde
ýaşaýan milletlere ýurduň Hudaýynyň
hökümlerini öwretsin». 28 Şeýdip, Aşur
patyşasynyň Samariýadan sürgün edilip
getirilen ruhanylaryndan biri Samariýa
gelip, Beýtelde ýaşady we Samariýada
ýaşaýan milletlere Rebbe nädip ybadat
etmelidigini öwretdi.

29 Emma muňa garamazdan, her millet
öz hudaýlaryny ýasap, olaryň hersi öz ýa-
şaýan galalarynda samariýalylaryň diken

seždegählerinde goýdy. 30 Babyllylar Su-
kotbenot butuny, kutlylar Nergal butuny,
hamatlylar Aşyma butuny, 31 awalylar
Nibhaz we Tartag butlaryny ýasady-
lar. Separwaýymlylar Adrammelek we
Anammelek butlary üçin çagalaryny
ýakma gurbanlyk hökmünde hödürle-
diler. 32 Olar seždegählerde özleri üçin
gurbanlyk hödürlär ýaly, öz aralarynda-
ky dürli milletlerden bolan ruhanylary
bellediler, şeýle hem olar Rebbe ybadat
etdiler. 33 Şeýdip, olar hem Rebbe, hem
aralaryndan sürgün edilen milletleriniň
adatlaryna görä öz hudaýlaryna sežde
etdiler. 34 Olar şu güne çenli hem özle-
riniň ozalky adatlaryna eýerip, Rebbe
sežde etmeýärler. Rebbiň Ysraýyl diýip
atlandyran Ýakubyň nesillerine beren
tabşyryklaryny, kanunyny, hökümlerini
we parzlaryny berjaý etmeýärler.

35 Reb Ýakubyň nesilleri bilen äht edip,
olara şeýle tabşyryk beripdi: «Siz keseki
hudaýlara sežde etmäň, olaryň öňünde
dyza çöküp, olara gullugam etmäň, gur-
banlygam bermäň. 36 Sizi beýik gudrat
we güýç bilen Müsür ýurdundan çykaran
Rebbe sežde ediň, Onuň öňünde dyza
çöküp, Oňa gurbanlyk beriň. 37 Rebbiň
siziň üçin ýazan tabşyryklaryny, ka-
nunyny, hökümlerini we parzlaryny
seresaplyk bilen berjaý ediň. Siz keseki
hudaýlara sežde etmäň. 38 Meniň siziň
bilen eden ähtimi unutmaň we keseki
hudaýlara sežde etmäň. 39 Siz diňe Hu-
daýyňyz Rebbe sežde ediň. Reb sizi
ähli duşmanlaryňyzyň elinden gutarar».
40 Emma olar Rebbiň sözüne gulak asman,
özleriniň ozalky adatlaryna eýerdiler.

41 Şeýdip, bu milletler hem Rebbe, hem
oýulyp ýasalan butlaryna sežde etdiler.
Ata-babalary näme eden bolsalar, ogul-
lary-da, nesilleri-de tä şu güne çenli
şolaryň edenlerini gaýtalap gelýärler.

## 18-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Hizkiýa*
*(2 Ýyl ýazgylary 29:1-2; 31:1)*

1 Ysraýyl patyşasy Elanyň ogly Hoşe-
ýanyň patyşalygynyň üçünji ýylynda
Ýahuda patyşasy Ahazyň ogly Hizkiýa
Ýahuda patyşa boldy. 2 Hizkiýa patyşa
bolan wagty ýigrimi bäş ýaşyndady. Ol
Iýerusalimde ýigrimi dokuz ýyl patyşa-
lyk etdi. Onuň ejesiniň ady Abydy. Ol
Zakarýanyň gyzydy. 3 Hizkiýa atasy Da-
wut ýaly Rebbiň nazarynda dogry işleri
etdi. 4 Ol seždegähleri ýok etdi, dikme
daşlary ýykdy we Aşera butlaryny kesip
aýyrdy. Musanyň ýasan bürünç ýylanyny
parçalady, çünki ysraýyl halky şol gün-
lere çenli bürünç ýylana ýakymly ysly
tütetgi ýakyp gelipdi. Ol bürünç ýylan
Nehuştan diýip atlandyryldy. 5 Hizki-
ýa Ysraýyl Hudaýy Rebbe bil baglady.
Ýahudada öňki-soňky bolan ähli paty-
şalaryň arasynda onuň ýalysy ýokdy.
6 Çünki Hizkiýa Rebbe wepaly bolup,
hiç haçan Onuň yzyna eýermekden ýüz
döndermedi we Rebbiň Musa beren
tabşyryklaryny berjaý etdi. 7 Reb onuň
bilendi. Hizkiýa nirä gitse-de, onuň işi
oňuna boldy. Ol Aşur patyşasyna garşy
gozgalaň turuzdy we oňa gulluk etmek-
den boýun gaçyrdy. 8 Hizkiýa iň kiçi
obadan tä uly gala çenli bolan ýerlerde
ýaşaýan piliştlileriň baryny, şeýle hem
Gazany we onuň çägindäkileri ýeňlişe
sezewar etdi.

9 Hizkiýanyň şalygynyň dördünji ýy-
lynda, Elanyň ogly Ysraýyl patyşasy
Hoşeýanyň şalygynyň ýedinji ýylynda
Aşur patyşasy Şalmaneser Samariýa-
nyň üstüne hüjüm edip, onuň daşyny
gabady. 10 Üçünji ýylda Şalmaneser Sa-
mariýany basyp aldy. Bu Hizkiýanyň

patyşalygynyň altynjy we Ysraýyl pa-
tyşasy Hoşeýanyň şalygynyň dokuzynjy
ýylynda bolup geçdi. 11 Aşur patyşasy
ysraýyllary Aşura ýesir edip äkitdi we
olary Halada, Gozandaky Habor derýa-
synyň ýakasynda we Madaý galalarynda
ýerleşdirdi. 12 Ysraýyllar Hudaýy Rebbiň
sözüne gulak asmandyklary üçin hem-de
Onuň ähtinden, Rebbiň guly Musa beren
tabşyryklaryndan ýüz öwrendikleri üçin
şeýle ýagdaýa düşdüler.

### *Aşurlylar Ýahuda hüjüm edýärler*
*(2 Ýyl ýazgylary 32:1-19;*
*Işaýa 36:1-22)*

13 Hizkiýa patyşanyň şalygynyň on dör-
dünji ýylynda Aşur patyşasy Sanherip
Ýahudanyň ähli galalaryna garşy hü-
jüm edip, olary basyp aldy. 14 Ýahuda
patyşasy Hizkiýa Lakyş galasyndaky
Aşur patyşasynyň ýanyna habar ýollap:
«Hata etdim, meniň ýurdumdan git, ta-
lap eden zadyňy bereýin» diýdi. Aşur
patyşasy Ýahuda patyşasy Hizkiýadan
bäş ýüz on batman[a] kümüş bilen elli
batman[b] altyn talap etdi. 15 Hizkiýa Reb-
biň öýündäki we patyşanyň öýündäki
hazynalardan tapylan kümşüň baryny
alyp, Aşur patyşasyna berdi. 16 Şol dö-
würde Ýahuda patyşasy Hizkiýa Rebbiň
ybadathanasynyň gapylarynyň we söýe-
leriniň üstüne çaýan altynyny-da alyp,
Aşur patyşasyna berdi. 17 Aşur patyşasy
serkerdebaşysyny, köşk emeldaryny
we wezirini uly goşun bilen Lakyş-
dan Iýerusalime Hizkiýa patyşanyň
ýanyna iberdi. Olar Iýerusalime gelip,
ýokarky howdanyň arygynyň ýanynda
durdular. Bu aryk Çyrpyjy meýdanynyň
ýolunda ýerleşýärdi. 18 Olar patyşany
çagyranlarynda, köşgi dolandyryjy
Hilkiýanyň ogly Elýakym, Şebna kä-
tip we Asafyň ogly Ýowa – patyşanyň
baş emeldary olaryň ýanyna bardylar.
19 Hizkiýanyň ýanyna baryp, beýik
Aşur patyşasy şeýle diýýär diýiň: «Sen
nämä bil baglaýarsyň? 20 Sen harby
ukybyň we güýç-kuwwatyň gürrüňini
edýärsiň, emma olar boş sözlerdir. Sen
kime bil baglap, meniň garşyma gozga-
laň turuzdyň? 21 Seret, ine, sen döwük
gamyş kysymly Müsüre bil baglaýarsyň.
Emma kim şol döwük gamşa hasa hök-
münde söýense, şonuň eline batar. Müsür
patyşasy faraon hem özüne bil bagla-
ýanlaryň hemmesi üçin şeýledir. 22 Eger
sen maňa: „Biz Hudaýymyz Rebbe bil
baglaýarys“ diýseň, onda Hizkiýanyň
Ýahuda we Iýerusalime ýüzlenip: „Siz
Iýerusalimde şu gurbanlyk sypasynyň
öňünde sežde ediň“ diýip, onuň ýykan
seždegähleri, gurbanlyk sypalary Hu-
daýyňky dälmi näme? 23 Indi gel-de,
meniň jenabym Aşur patyşasy bilen
bäsleş. Eger-de men size iki müň sany at
bersem, siz olara münmäge şonça adam
tapyp bilersiňizmi? 24 Onsoň siz nädip
jenabymyň iň pes derejeli serkerdesini
ýeňip biljek? Siz söweş arabalary we
söweş arabaly esgerleri bar diýip, Mü-
süre bil baglaýarsyňyzmy? 25 Munuň
üstesine-de, siz meni Rebden rugsatsyz
bu ýurdy weýran etmäge gelendir öýd-
ýärsiňizmi? Reb maňa şu ýurduň üstüne
çoz-da, ony derbi-dagyn et diýdi».
26 Onsoň Hilkiýanyň ogly Elýakym,
Şebna we Ýowa baş wezire şeýle diýdiler:
«Haýyş edýäris, biz gullaryň bilen öz
düşünýän dilimizde – arameýçe gür-
leş. Biziň bilen ýahudalaryň dilinde

[a] **18:14** ***Bäş ýüz on batman*** – ýewreýçe *üç ýüz kikkar*. Bu takm. 10200 kg deňdir.
[b] **18:14** ***Elli batman*** – ýewreýçe *otuz kikkar*. Bu takm. 1000 kg deňdir.

gürleşme, diwaryň üstündäki adamlar
diňläp durlar». 27 Emma baş wezir olara
şeýle jogap berdi: «Jenabym meni bu
sözleri diňe jenabyňyza we size aýt-
mak üçin ýolladymy näme? Diwaryň
üstünde oturan adamlara aýtmak üçin
hem ýollamadymy eýsem? Olar hem
siziň ýaly öz nejasatlaryny iýip, öz pe-
şewlerini içerler».
28 Onsoň baş wezir dik durup, bar sesi
bilen gygyryp, ýahuda dilinde gepledi.
Ol: «Beýik patyşa bolan Aşur patyşasy-
nyň sözüni diňläň. 29 Patyşa şeýle diýýär:
„Hizkiýa özüňizi aldatmaň! Ol sizi meniň
elimden halas edip bilmez. 30 Hizkiýa:
‘Reb bizi hökman halas eder we bu şäher
Aşur patyşasynyň eline berilmez’ diýip,
size Rebbe bil baglatmasyn. 31 Hizki-
ýa gulak asmaň!“ Aşur patyşasy şeýle
diýýär: „Meniň bilen ýaraşyk ediň-de,
meniň ýanyma geliň. Şonda her kim öz
üzümçiliginiň hem-de injir daragtynyň
miwesinden iýip, öz guýusyndan suw
içer. 32 Soňra men gelip, sizi öz ýurdu-
ňyza meňzeş bir ýurda alyp bararyn. Ol
ýer bugdaý, şerap, çörek, üzümlik, zeý-
tun ýagy we bal mekanydyr. Şeýdip, siz
ölmän, aman galarsyňyz. Hizkiýanyň:
‘Reb bizi halas eder’ diýip, aldamakçy
bolýan sözlerine gulak asmaň. 33 Haý-
sy milletleriň hudaýlary öz ýurduny
Aşur patyşasynyň elinden halas edip-
dir? 34 Hamadyň we Arpadyň hudaýlary
nirede? Separwaýymyň, Henanyň we
Ywahyň hudaýlary nirede? Samariýanyň
hudaýlary olary meniň elimden halas
etdilermi? 35 Rebbiň Iýerusalimi meniň
elimden halas ederi ýaly, bu hudaýlaryň
arasynda öz ýurtlaryny meniň elimden
halas edeni barmy?“»
36 Emma halkdan ses çykmady, oňa
jogap gaýtaran bolmady, çünki Hizkiýa
patyşa: «Oňa jogap gaýtarmaň» diýip
tabşyrypdy. 37 Şeýdip, köşgi dolandyryjy
Hilkiýanyň ogly Elýakym, Şebna kätip
we Asafyň ogly Ýowa – patyşanyň baş
emeldary dagy ýakalaryny ýyrtyp, Hiz-
kiýanyň ýanyna gelip, oňa baş weziriň
sözlerini aýdyp berdiler.

## 19-njy bap

### *Hizkiýa Işaýa pygambere geňeşýär*
*(Işaýa 37:1-38)*

1 Hizkiýa patyşa Rabşakanyň sözlerini
eşidende, ýakasyny ýyrtyp, jul geýnip,
Rebbiň öýüne gitdi. 2 Patyşa köşgi do-
landyryjy Elýakymy, Şebna mürzäni we
ýaşuly ruhanylary Amozyň ogly Işaýa
pygamberiň ýanyna iberdi. Hemmesi jul
geýdiler. 3 Olar Işaýa pygambere şeýle
diýdiler: «Hizkiýa patyşa şeýle diýýär:
„Şu gün biz hasrat, jeza we ryswalyk as-
tyndadyrys; biziň ýagdaýymyz dünýä
injek bolup duran balasyny dogurma-
ga mejaly galmadyk aýalyňky ýalydyr.
4 Onuň alyhezreti Aşur patyşasynyň
iberen baş weziriniň diri Hudaýy mas-
garalamak üçin aýdan ähli sözlerini,
belki, Hudaýyň Reb eşidendir; Hudaýyň
Reb şol sözleri üçin olary jezalandyrar.
Indi aman galan adamlar üçin dileg
et“». 5 Hizkiýanyň hyzmatkärleri Işaýa
pygamberiň ýanyna gelenlerinde, 6 Işaýa
pygamber olara şeýle diýdi: «Jenabyňyza
aýdyň, Reb şeýle diýýär: „Aşur patyşa-
synyň hyzmatkärleriniň Meni kemsidip
aýdan sözlerini eşideniň üçin olardan
gorkma. 7 Men onuň içine bir ruh ibererin
welin, ol bir habar eşidip, öz ýurduna
dolanar. Men ony öz ýurdunda gylyç
bilen öldürderin“».

### *Aşur patyşasynyň haýbaty*

8 Baş wezir Aşur patyşasynyň La-
kyşdan gaýdandygyny eşidip, yzyna

dolandy. Ol patyşanyň Libna galasyna
garşy urşup ýörendigini gördi. [9]Patyşa
Efiopiýa patyşasy Tirhakanyň özi bilen
uruşmaga çykandygyny eşidip, ol Hiz-
kiýanyň ýanyna çaparlar ýollady. [10]Aşur
patyşasy Ýahuda patyşasy Hizkiýa şeýle
habar iberdi: «Seniň bil baglaýan Hu-
daýyň: „Iýerusalim Aşur patyşasynyň
eline berilmez“ diýip, seni aldamasyn.
[11]Aşur patyşasynyň ähli ýurtlary bü-
tinleý ýok edip, halklaryň başyna nä
günleri getirendigini eşidensiň. Indi
siz halas edilermikäňiz? [12]Ata-babala-
rymyň derbi-dagyn eden galalarynyň:
Gozanyň, Haranyň, Resepiň ilatyny,
Telasarda bolan Eden halkyny öz hu-
daýlary ata-babalaryňyň elinden halas
etdimi? [13]Hamat, Arpat we Separwaýym
galalarynyň şalary, Hena we Ywah ga-
lalarynyň şalary nirede?»

### *Hizkiýanyň dilegi*

[14]Hizkiýa haty çaparlaryň elinden
alyp okady. Onsoň ol Rebbiň öýüne
baryp, haty Rebbiň öňünde açyp goýdy.
[15]Hizkiýa Rebbiň huzurynda dileg edip,
şeýle diýdi: «Eý, keruplaryň üstünde
tagt guran Ysraýyl Hudaýy Reb! Bütin
dünýäniň patyşalyklarynyň Hudaýy
Sensiň, Sen ýeke-täksiň. Ýeri-gögi ýa-
radan-da Sensiň. [16]Ýa Reb, gulak as-da,
eşit, ýa Reb, gözleriňi aç-da gör. San-
heribiň diri Hudaýy masgaralap, aýdan
sözlerini eşit. [17]Ýa Reb, hakykatdanam,
Aşur patyşalary ähli milletleri we olaryň
ýurtlaryny weýran etdiler. [18]Şol millet-
leriň hudaýlaryny oda atyp ýakdylar,
olar hudaýlar däldi. Olar adamlaryň
agaçdan we daşdan ýasan butlarydy.
[19]Indi, eý, Hudaýymyz Reb, bizi Aşur
patyşasynyň elinden halas et. Ýa Reb,
goý, bütin dünýäniň ähli patyşalyklary
Seniň ýeke-täk Hudaýdygyňy bilsinler».

### *Işaýa pygamber Aşur patyşasy barada pygamberlik edýär*

[20]Onsoň Amozyň ogly Işaýa pygamber
şeýle sözler bilen Hizkiýanyň ýanyna
adam iberdi: «Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle
diýýär: „Aşur patyşasy Sanherip barada
eden dilegiňi eşitdim. [21]Men – Rebbiň
ol barada aýdan sözleri şudur:

Sion boý gyzy
ýigrenç bilen seni kemsidýär,
Iýerusalim gyzy [a]
seniň üstüňden gülýär“.

[22] Sen kimi masgaralap, kime dil
ýetirdiň?
Kimiň garşysyna sesiňe bat
berip,
kime ulumsylyk bilen gabak
galdyrdyň?
Ysraýylyň Mukaddesine!
[23] Çaparlaryň arkaly
Taňryny masgaralap,
şeýle diýdiň:
„Birtopar söweş arabalarym
bilen
daglaryň üstüne çykdym,
Liwanyň jümmüşine bardym,
onuň iň uzyn kedr agaçlaryny,
gözel serwi agaçlaryny çapdym.
Men onuň iň çola ýerine,
gür jeňňeline girdim.
[24] Keseki ýurtlarda guýular gazyp,
suwuny içdim.
Müsüriň ähli derýalaryny,
öz dabanym bilen guratdym“.

[25] „Eşitmediňmi näme sen
ozaldan şu netijä gelenimi?

---

[a] **19:21** ***Sion boý gyzy… Iýerusalim gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

Gadymdan bäri muny ýüregime
düwdüm,
indi şu gün ony amala
aşyrýaryn,
sen galalary weýran edersiň,
harabaçylyga öwrersiň.
26 Bu galalaryň ilaty ejizdi,
aljyrap howsala düşdüler.
Olar meýdan ösümlikleriniň,
mymyk gök maýsalyklaryň,
tamyň üstündäki otlaryň,
ösmänkä gurap ýok bolşy dek
boldular.

27 Emma seniň oturyp-turşuňy,
girip-çykyşyňy,
Maňa garşy dyzaýşyňy bilýärin.
28 Meniň garşyma dyzanlygyň,
gopbamlygyň
gulagyma gelip ýetendigi üçin,
burunlygymy burnuňa,
agyzzyrygymy-da agzyňa
dakyp,
seni gelen ýoluň bilen
yzyňa ugradaryn Men“».

29 Işaýa pygamber Hizkiýa şeýle diýdi:
«Seniň üçin alamat şudur: „Şu ýyl we
geljek ýyl siz özi biten zady iýersiňiz,
üçünji ýyl bolsa özüňiz ekip, hasylyny
orup alyň we üzüm baglaryny oturdyň-
da, şolaryň miwelerini iýiň. 30 Ýahuda
nesilleriniň gutulyp aman galanlary
ýene-de aşakda kök urup, ýokarda miwe
bererler. 31 Aman galanlar Iýerusalimden,
halas bolanlar Sion dagyndan çykyp
gelerler. Bu Rebbiň yhlasy bilen amala
aşar“».
32 Reb Aşur patyşasy barada şeýle
diýýär: «Ol bu şähere girmez, ok atmaz,
bu şäheriň garşysyna galkanly çykmaz
we şäheriň diwaryna ýaplap, ýapgyt
gurmaz. 33 Ol gelen ýoly bilen yzyna
gaýdar, ýöne bu şähere girmez. Muny
Men – Reb aýdýandyryn. 34 Men bu şä-
heri Özümiň hem-de gulum Dawudyň
hatyrasy üçin gorap, ony halas ederin».

***Sanheribiň ýeňlişi we ölümi***

35 Edil şol gije Rebbiň perişdesi gidip,
aşurlylaryň düşelgesinde ýüz segsen bäş
müň adamy öldürdi. Ertesi daňdan tu-
rup görseler, ol ýeri jesetden doly eken!
36 Aşur patyşasy Sanherip düşelgäni
taşlap, öz ýurduna gaýtdy. Ol Ninewä
gelip, şol ýerde galdy. 37 Sanherip öz
hudaýy Nisrokyň buthanasynda oňa
sežde edip durka, ogullary Adrammelek
bilen Sareser kakalaryny gylyç bilen
öldürdiler-de, Ararat ýurduna gaçyp
gitdiler. Onsoň onuň ýerine ogly Esar-
hadon patyşa boldy.

## 20-nji bap

***Hizkiýa syrkawlaýar***
*(2 Ýyl ýazgylary 32:24-26;*
*Işaýa 38:1-8,21-22)*

1 Şol döwürlerde Hizkiýa syrkawlap,
ölüm ýassygynda ýatyrdy. Amozyň og-
ly Işaýa pygamber onuň ýanyna gelip:
«Reb şeýle diýýär: „Öýüňdäkilere wesýet
et, çünki sen ölersiň, sen bu keselden
gutulmarsyň“» diýdi. 2 Onsoň Hizkiýa
ýüzüni diwara tarap öwrüp, Rebbe dileg
etdi: 3 «Saňa ýalbarýaryn, eý, Reb, meniň
Saňa wepalylyk bilen ak ýürekden hyz-
mat edenimi hem-de Seniň nazaryňda
dogry işleri edenimi ýatla». Hizkiýa
zar-zar aglady. 4 Işaýa pygamber entek
ortaky howludan çykmanka, oňa Rebbiň
şu sözi aýan boldy: 5 «Yzyňa dolanyp
bar-da, Meniň halkymyň hökümdary
Hizkiýa atasy Dawudyň Hudaýy Reb-
biň şeýle diýýändigini aýt: „Men seniň
dilegiňi eşitdim, seniň gözýaşlaryňy

gördüm. Men seni hökman sagaldaryn
we üçünji güni sen Rebbiň öýüne ba-
rarsyň. 6 Men seniň ömrüňi on bäş ýyl
uzaldaryn. Men seni we bu şäheri Aşur
patyşasynyň elinden halas ederin. Men
Iýerusalimi Özümiň we gulum Dawudyň
hatyrasy üçin goraryn“». 7 Onsoň Işaýa
pygamber Hizkiýanyň hyzmatkärlerine:
«Ýenjilen injir getiriň-de, ony patyşanyň
çybanynyň üstüne ýapyň. Şondan soň
ol sagalar» diýdi.

8 Hizkiýa Işaýa pygamberden: «Rebbiň
meni sagaltjakdygyna we üçünji güni
meniň Rebbiň öýüne barjakdygyma nä-
me alamat bolar?» diýip sorady. 9 Işaýa
Hizkiýadan: «Reb beren wadasyny ýeri-
ne ýetirer. Rebden saňa alamat şudur: şu
wagt basgançakdaky kölege on basgan-
çak öňe gitsinmi ýa-da on basgançak yza
gaýtsynmy?» diýip sorady. 10 Hizkiýa:
«Kölegäniň on basgançak öňe uzamagy
adaty zatdyr. Şonuň üçin-de, goý, kölege
yza süýşsün» diýip jogap berdi. 11 Işa-
ýa pygamber Rebbi çagyrdy. Reb hem
Ahazyň basgançagyna düşen kölegäni
on basgançak yza süýşürdi.

### *Babyldan gelen çaparlar*
*(Işaýa 39:1-8)*

12 Şol wagt Baladanyň ogly Babyl
patyşasy Merodakbaladan Hizkiýa pa-
tyşanyň syrkawlandygyny eşidip, oňa
wekillerinden hatlar bilen peşgeş ýollady.
13 Hizkiýa Babyl patyşasynyň wekillerini
diňläp, olara hazynasyndaky kümşüni,
altynyny, hoşboý ysly zatlaryny, gym-
matbaha ýaglaryny, ýarag gorhanasyny
hem-de ammarlaryndaky zatlaryň ba-
ryny görkezdi. Ol köşgündäki we bütin
patyşalygyndaky zatlaryň baryny wekil-
lere görkezdi. 14 Onsoň Işaýa pygamber
Hizkiýa patyşanyň ýanyna gelip, ondan:
«Bu adamlar saňa näme diýdiler? Olar
seniň ýanyňa nireden geldiler?» diýip
sorady. Hizkiýa hem: «Olar uzak ýurt-
dan Babyldan geldiler» diýip jogap berdi.
15 Işaýa pygamber: «Olar seniň köşgüňde
näme zatlary gördüler?» diýip, Hizki-
ýadan sorady. Hizkiýa: «Olar meniň
köşgümde bolan zatlaryň baryny gördü-
ler. Ammarlarymda olara görkezilmedik
hiç bir zat galmady» diýip jogap berdi.

16-17 Onsoň Işaýa pygamber Hizkiýa
şeýle diýdi: «Rebbiň sözüni eşit: „Bir
gün seniň köşgüňdäki zatlaryň hemmesi
we atalaryňyň tä şu güne çenli ýygnan
zatlarynyň bary Babyla äkidiler, ýekeje
zat hem galdyrylmaz. 18 Seniň öz bag-
ryňdan önen nesilleriň Babyla sürgün
edilip, şol ýerde patyşanyň köşgünde ag-
talar bolarlar“». 19 Onsoň Hizkiýa Işaýa
pygambere: «Rebbiň seniň üstüň bilen
aýdan sözi ýagşy sözdür» diýdi. Çünki
Hizkiýa: «Eger meniň döwrümde asu-
dalyk we howpsuzlyk bolsa, oňa ýetesi
näme bar?!» diýip pikir etdi.

### *Hizkiýanyň ölümi*

20 Hizkiýanyň beýleki işleri, görkezen
edermenlikleri, onuň howdan we ýap ga-
zyp, olardan şähere suw getirişi barada
ýahuda patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. 21 Hizkiýa ata-babalaryna
gowuşdy. Ogly Manaşa onuň ýerine
patyşa boldy.

## 21-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Manaşa*
*(2 Ýyl ýazgylary 33:1-25)*

1 Manaşa patyşa bolanda on iki ýa-
şyndady. Ol Iýerusalimde elli bäş ýyl
patyşalyk etdi. Onuň ejesiniň ady
Hepsibady. 2 Rebbiň ysraýyllaryň ara-
syndan kowup çykaran milletleriniň
eden nejis işleri ýaly Manaşa hem Rebbiň

nazarynda nejis işleri etdi 3 Manaşa kaka-
sy Hizkiýanyň ýok eden seždegählerini
dikeltdi. Ol Ysraýyl patyşasy Ahabyň
edişi ýaly, Bagal üçin gurbanlyk sypa-
laryny gurup, Aşera butlaryny dikdi. Ol
ähli asman jisimlerine sežde edip, şolara
gulluk etdi. 4 Ol Rebbiň: «Iýerusalimde
maňa ybadat ediler» diýen Rebbiň öýün-
de butlar üçin gurbanlyk sypalaryny
bina etdi. 5 Manaşa Rebbiň öýüniň iki
howlusynda ähli asman jisimleri üçin
gurbanlyk sypalaryny bina etdi. 6 Manaşa
ogluny otdan geçirdi, gözbagçylyk we
täleýe garamaklyk bilen meşgullandy.
Ol palçylyk, jadygöýlik bilen iş salyş-
dy. Ol Rebbiň gaharyny getirip, Onuň
nazarynda köp ýigrenji işleri etdi. 7 Ma-
naşa ýasan oýma Aşera butuny Rebbiň
öýünde goýdy. Bu öý Rebbiň Dawuda
we onuň ogly Süleýmana: «Maňa şu
öýde we bütin Ysraýyl tirelerinden seçip
alan şäherim Iýerusalimde ybadat ediler.
8 Eger olar meniň ähli tabşyryklarymy
we gulum Musanyň olara tabşyran ka-
nunyny berjaý etseler, Men mundan
beýläk ysraýyl halkyny atalaryna beren
ýurdumdan daşary çykartmaryn» diýen
öýüdi. 9 Emma olar muňa gulak asma-
dylar. Manaşa halky şeýle bir azdyrdy
welin, olar Rebbiň ysraýyl halkynyň
öňünden kowup çykaran milletlerinden
hem köp pis işleri etdiler.
10-11 Reb Öz gullary pygamberler arkaly
şeýle diýdi: «Ýahuda patyşasy Manaşa
nejis işleri bilen özünden ozalky amor-
laryň eden işlerinden-de has beter pis
işleri etdi we öz butlary bilen Ýahuda
günä etdirdi. 12 Şonuň üçin-de Ysraýyl
Hudaýy Reb şeýle diýýär: „Ine, Men
Iýerusalimiň we Ýahudanyň başyna
şeýle bir betbagtçylyk getirerin welin,
ol barada eşiden her kişiniň ýüregi ýa-
rylar. 13 Men Samariýanyň we Ahabyň
nesilleriniň başyna nähili günleri salan
bolsam, Iýerusalimiň başyna-da şol
günleri salaryn. Bir kişiniň gap-çana-
gy süpürip, arassalap, düňderip goýşy
ýaly, Men-de Iýerusalimi syryp-süpürip
ýok ederin. 14 Mirasymdan – ysraýyllar-
dan aman galanlary taşlaryn-da, olary
duşmanlarynyň eline bererin. Olar ähli
duşmanlaryna talaň we olja bolarlar.
15 Çünki olar Meniň ýigrenýän işleri-
mi edip, atalarynyň Müsürden çykan
gününden, tä şu güne çenli Meni ga-
zaplandyryp geldiler“».
16 Manaşa ýahudalara günä etdirip,
olar Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri
etdiler. Munuň üstesine-de, Manaşa
Iýerusalimi boýdan-başa bigünä gan-
dan doldurdy. 17 Manaşanyň galan işleri
we ähli eden işleri, günäleri barada
ýahuda patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda
ýazylandyr. 18 Manaşa ata-babalaryna
gowuşdy. Ol öz köşgüniň bagy bolan
Uza bagynda jaýlandy. Ogly Amon onuň
ýerine patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Amon*

19 Amon patyşa bolan wagty ýigrimi
iki ýaşyndady. Ol Iýerusalimde iki ýyl
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Meşullemet
ýotbaly Harusyň gyzydy. 20 Amon ka-
kasy Manaşa ýaly Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi. 21 Ol kakasynyň ýö-
rän ýollaryndan ýöräp, onuň sežde eden
butlaryna sežde edip, şolara gulluk etdi.
22 Amon atalarynyň Hudaýy Rebbi terk
edip, Onuň yzyna eýermedi. 23 Amonyň
nökerleri oňa garşy dildüwşük gurap,
ony öz köşgünde öldürdiler. 24 Emma ýur-
duň ilaty Amon patyşa garşy dildüwşük
guranlaryň baryny öldürip, onuň ýerine
ogly Ýoşyýany patyşa etdi. 25 Amonyň
beýleki işleri ýahuda patyşalarynyň
ýyl ýazgylarynda ýazylandyr. 26 Ol Uza

bagynda, öz guburunda jaýlandy. Onsoň
ogly Ýoşyýa onuň ýerine patyşa boldy.

## 22-nji bap

***Ýahuda patyşasy Ýoşyýa***
*(2 Ýyl ýazgylary 34:1-2)*

1 Ýoşyýa patyşa bolan wagty sekiz
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde otuz bir
ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi Ýedida
boskatly Adaýanyň gyzydy. 2 Ýoşyýa
Rebbiň nazarynda dogry işleri etdi. Ol
saga-sola sowulman, atasy Dawudyň
ýollaryndan ýöredi.

***Töwrat tapylýar***

3 Ýoşyýanyň patyşalygynyň on seki-
zinji ýylynda patyşa Asalýanyň ogly,
Meşullamyň agtygy Şapan mürzäni
şeýle tabşyryk bilen Rebbiň öýüne iber-
di: 4 «Baş ruhany Hilkiýanyň ýanyna
bar-da, oňa gapy sakçylarynyň halkdan
ýygnap, Rebbiň öýüne getiren kümşü-
niň baryny sana diý. 5-6 Goý, ol kümüş
Rebbiň öýüniň işine bellenen baştutan-
laryň eline berilsin. Baştutanlar hem bu
kümşi Rebbiň öýüni bejerýän işçilere,
agaç ussalaryna we daş örüjilere hem-
de beýleki gurluşykçylara bersin. Goý,
olar bu kümşi Rebbiň öýüni bejerer ýaly
agaç we ýonulan daş satyn almak üçin
ulansynlar. 7 Emma olaryň eline berlen
kümşüň hetdi-hasaby soralmasyn, çünki
olar sadyklyk bilen işleýärler».
8 Baş ruhany Hilkiýa Şapan mürzä:
«Men Rebbiň öýünden Töwrady tap-
dym» diýdi. Hilkiýa kitaby oňa berdi,
ol hem bu kitaby okady. 9 Onsoň Şapan
mürze patyşanyň ýanyna gelip: «Seniň
gullaryň Rebbiň öýündäki bar kümşi
boşadyp, Rebbiň öýüniň işine bellenen
baştutanlaryň eline beripdirler» diýip,
bar zady oňa habar berdi. 10 Şapan mürze
patyşa ýene: «Hilkiýa ruhany maňa bir
kitap berdi» diýdi. Onsoň ol kitaby alyp,
patyşa sesli okap berdi.
11 Patyşa Töwradyň sözlerini eşidip,
ýakasyny ýyrtdy. 12 Onsoň patyşa Hil-
kiýa ruhana, Şapanyň ogly Ahykama,
Mikaýanyň ogly Akbora, Şapan mürzä
we öz hyzmatkäri Asaýa şeýle tabşyryk
berdi: 13 «Baryň-da, tapylan bu kitapdaky
aýdylýan sözlere görä meniň üçin, me-
niň halkym bolan bütin ýahuda halky
üçin Rebden soraň, çünki Rebbiň bize
garşy lowlaýan gazaby gaty güýçlüdir.
Biziň atalarymyz bu kitabyň biziň üçin
ýazylan sözlerini berjaý etmediler».
14 Şeýdip, Hilkiýa ruhany, Ahykam,
Akbor, Şapan we Asaýa dagy Hulda atly
pygamber aýalyň ýanyna gitdiler. Hulda
egin-eşik sakçysy Harhasyň agtygy, Tik-
wanyň ogly Şallumyň aýalydy. Ol aýal
Iýerusalimiň ikinji bölüminde ýaşaýardy.
15 Hulda olara: «Ysraýyl Hudaýy Reb
sizi meniň ýanyma iberen adama şeýle
diýýär: 16 Reb şeýle diýýär diýiň: „Men
Ýahuda patyşasynyň bu kitapda okan
zatlaryna görä hökman bu ýere we bu
ýerde ýaşaýanlaryň başyna bir betbagt-
çylyk indererin. 17 Olaryň Meni terk edip,
başga hudaýlara ýakymly ysly tütetgi
ýakyp, öz pis işleri bilen Meniň gaha-
rymy getirendikleri üçin Meniň bulara
bolan gaharym has tutaşdy, ol indi hiç
haçan sönmez“. 18 Emma Ysraýyl Huda-
ýy Reb Özünden soramak üçin şu ýere
ýollan Ýahuda patyşasyna onuň eşiden
sözleri barada şeýle diýýär: 19 „Meniň bu
ýurdy weýran edip, onuň ýaşaýjylaryny
näletlemek baradaky sözlerimi eşide-
niňde, seniň ýüregiň ýumşady. Özüňi
Rebbiň huzurynda peseltdiň, ýakaňy
ýyrtyp, öňümde dady-peryat etdiň. Şo-
nuň üçin Men seniň dilegiňi eşitdim.
Muny Men-Reb aýdýandyryn. 20 Indi

Men seni atalaryňyň ýanyna ýygnaryn, sen asudalyk bilen öz gabryňa girersiň. Meniň bu ýere getirjek betbagtçylygymy sen görmersiň“». Olar bu habary patyşa ýetirdiler.

## 23-nji bap

### *Ýoşyýa butparazçylygyň soňuna çykýar*

*(2 Ýyl ýazgylary 34:3-7,29-33)*

1 Onsoň Ýoşyýa patyşa Ýahudanyň
we Iýerusalimiň ýaşulularynyň baryny
çagyrdyp, öz ýanyna toplady. 2 Ýoşyýa
patyşa bütin ýahuda halky, bütin Iýe-
rusalim ilaty, ruhanylar, pygamberler,
uludan-kiçä bütin halk bilen Rebbiň
öýüne gitdi. Patyşa Rebbiň öýünden
tapylan Äht kitabyndaky sözleri olara
sesli okap berdi. 3 Ýoşyýa sütüniň gap-
dalynda durup, Rebbiň tabşyryklaryny,
permanlaryny, parzlaryny bütin kalby
bilen, bütin jany-teni bilen berjaý edip,
Rebbiň yzyna eýerjekdigine hem-de şu
äht barada kitapda ýazylan sözleri berjaý
etjekdikleri hakda Rebbiň huzurynda
Onuň bilen äht edişdi. Bütin halk hem
bu ähti oňlady.

4 Bagala, Aşera we ähli asman ji-
simlerine sežde etmek üçin edilen
gap-gaçlaryň baryny Rebbiň ybadat-
hanasyndan çykarmak barada Ýoşyýa
patyşa baş ruhany Hilkiýa, ikinji de-
rejeli ruhanylara we gapy sakçylaryna
tabşyryk berdi. Onsoň şol gap-gaçlaryň
baryny Iýerusalimiň daşynda, Kidron
deresinde ýakyp, olaryň külüni Beýtele
äkitdiler. 5 Ýahuda patyşalarynyň ýahuda
galalarynyň we Iýerusalimiň töweregin-
däki seždegählerde ýakymly ysly tütetgi
ýakmak üçin bellenen butparaz ruha-
nylary, şeýle hem Bagala, Güne, Aýa,
ýyldyzlara we tutuş asman jisimlerine
sadakalar hödürleýän ruhanylary wezi-
pelerinden boşatdy. 6 Ol Aşera butuny
Rebbiň öýünden Iýerusalimiň daşyna,
Kidron deresine çykaryp, şol ýerde ýak-
dy. Onsoň ony ýenjip, kül edip, külüni
adamlaryň gabyrlarynyň üstüne sepdi.
7 Ýoşyýa Rebbiň öýünde bolan azgyn
erkekleriň öýlerini-de ýykdy. Ol ýerde
aýallar Aşera üçin dokma işlerini edýär-
diler. 8 Ýoşyýa ýahuda galalaryndan ähli
ruhanylary getirip, Gebadan Beýerşeba
çenli ruhanylaryň ýakymly ysly tütetgi
ýakýan seždegählerini harama çykar-
dy. Ýoşyýa şäher häkimi Ýeşuwanyň
şäher derwezesiniň çep tarapyndaky
girelgesindäki seždegähleri ýok etdi.
9 Seždegähleriň ruhanylaryna Rebbiň
Iýerusalimdäki gurbanlyk sypasynda
Rebbe gulluk etmäge rugsat edilmese-
de, olar beýleki ruhanylaryň ülüşinden
petir iýip bilýärdiler. 10 Ýoşyýa patyşa hiç
kim ogluny ýa-da gyzyny Molek [a] üçin
otdan geçirmesin diýip, Benhinnom de-
resindäki Topet diýen ýerini-de murdar
etdi. 11 Patyşa Rebbiň öýüniň girelge-
sinden Ýahuda patyşalary tarapyndan
Güne çokunmaga bagyşlanan atlaryň
heýkelini aýyrdy, atlar Natanmelek emel-
daryň howlusynyň ýanyndady, şeýle
hem ol Güne sežde etmek üçin ulanyl-
ýan arabalary ýakdy. 12 Ýoşyýa Ýahuda
patyşalary tarapyndan salnan Ahazyň
ýokarky gatdaky jaýynyň üçeginde bolan
gurbanlyk sypalaryny we Manaşanyň
Rebbiň öýüniň iki howlusynda salan
gurbanlyk sypalaryny ýykyp, olary kül-
-peýekun etdi. Ol gurbanlyk sypasynyň
döwük bölekleri Kidron deresine taş-
lady. 13 Ysraýyl patyşasy Süleýmanyň

[a] **23:10** ***Molek*** – ammonlaryň hudaýy. Sözlüge seret.

Iýerusalimiň gündogaryndaky Heläk
dagynyň günortasynda, sidonlylaryň
ýigrenji hudaýy Aştoret üçin, Mowabyň
ýigrenji buty Kemoş üçin, ammonlaryň
ýigrenji buty Milkom[a] üçin guran sež-
degählerini patyşa haramlady. 14 Ýoşyýa
patyşa dikme daşlary kül-peýekun edip,
Aşera butlaryny çapyp, olaryň ýerlerini
adam süňkleri bilen doldurdy.
15 Şeýle hem ol Ysraýyla günä etdiren
Nebadyň ogly Ýarobgamyň Beýtelde
guran gurbanlyk sypasyny seždegäh bi-
len birlikde ýykdy. Ýoşyýa seždegähi
kül-peýekun edip, ony ýakdy we Aşera
butuny hem ýakdy. 16 Ýoşyýa töweregine
seredende, şol ýerdäki daglykdaky mazar-
lygy gördi. Onsoň ol şol ýere adam iberip,
Rebbiň Hudaýyň adamynyň üsti bilen
aýdan sözüne görä süňkleri mazarlardan
çykartdy we olary gurbanlyk sypasynyň
üstünde ýakyp, gurbanlyk sypasyny ha-
ram etdi. 17 Onsoň Ýoşyýa patyşa gala
adamlaryndan: «Meniň bu görýän heý-
kelim näme?» diýip sorady. Olar oňa:
«Bu Ýahudadan gelen hem-de seniň Beý-
teldäki gurbanlyk sypasynyň garşysyna
eden işleriň barada pygamberlik eden
Hudaýyň adamynyň gabrydyr» diýip
jogap berdiler. 18 Ýoşyýa patyşa: «Ony öz
gününe goýuň, hiç kim onuň süňklerine el
degirmesin» diýip tabşyryk berdi. Şeýdip,
adamlar Hudaýyň adamynyň süňkleri
bilen Samariýadan gelen pygamberiň
süňklerine el degirmediler. 19 Mundan
başga-da Ýoşyýa Samariýanyň galala-
ryndaky ähli seždegähleri ýok etdi. Ol
ýerleri Ysraýyl patyşalary gurup, Rebbiň
gaharyny getiripdiler. Ýoşyýa Samari-
ýadaky seždegähleri-de, edil Beýteldäki
gurbanlyk sypasyny edişi ýaly etdi. 20 Ýo-
şyýa patyşa ol ýerdäki ähli seždegähleriň
ruhanylaryny gurbanlyk sypalarynyň
üstünde öldürip, gurbanlyk sypalarynyň
üstünde adam süňklerini ýakdy. Şondan
soň Ýoşyýa Iýerusalime dolanyp geldi.

### *Ýoşyýa Pesah baýramyny belleýär*

21 Patyşa bütin halka tabşyryk berip:
«Bu äht kitabynda ýazylyşy ýaly Huda-
ýyňyz Rebbe bagyşlap, Pesah baýramyny
belläň» diýdi. 22 Ysraýyly dolandyran
serdarlaryň döwürlerinden bäri Ýahuda
we Ysraýyl patyşalarynyň bütin ömrün-
de bu Pesah baýramy ýaly baýram hiç
haçan bellenilmändi. 23 Emma Ýoşyýa
patyşanyň şalygynyň on sekizinji ýy-
lynda bu baýram Iýerusalimde Rebbe
bagyşlap bellenildi.
24 Şeýle hem Ýoşyýa Hilkiýa ruhany-
nyň Rebbiň öýünden tapan kitabynda
ýazylan kanunda aýdylan zatlary berjaý
etmek üçin, Ýahudada, Iýerusalimde
edilýän ähli nejis işleriň, ähli öý but-
larynyň, beýleki butlaryň, palçylaryň,
jadygöýleriň barynyň soňuna çykdy.
25 Rebbe Musanyň kanunyna laýyklykda
bütin kalby, bar güýji bilen jan-tenden
gulluk eden Ýoşyýa ýaly patyşa ondan
öň hem, soň hem bolmady.
26 Manaşanyň Rebbiň gaharyny getirip,
eden pis işleri zerarly Onuň Ýahuda garşy
tutaşan gazaby entek hem sowamandy.
27 Reb şeýle diýdi: «Men Ysraýyly huzu-
rymdan ýok edişim ýaly, Ýahudany-da
huzurymdan ýok ederin. Men saýlan şähe-
rim Iýerusalimi we „Maňa şu ýerde ybadat
ediler“ diýen öýümi-de terk ederin».

### *Ýoşyýanyň ölümi*

28 Ýoşyýanyň patyşalygy baradaky
başga wakalar we ähli eden işleri ýa-
huda patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda

[a] **23:13** ***Milkom*** – Molek hudaýyň beýleki ady.

ýazylandyr. 29 Ýoşyýa patyşanyň döwrün-
de Müsüriň patyşasy faraon Neko Aşur
patyşasyna kömek bermek üçin, Ýewfrat
derýasyna tarap ýola düşdi. Ýoşyýa hem
ony garşylamaga gitdi. Emma faraon
Neko Ýoşyýa Megidoda sataşyp, ony
şol ýerde öldürdi. 30 Ýoşyýanyň hyzmat-
kärleri onuň jesedini Megidodan arabaly
Iýerusalime getirip, öz guburynda jaýla-
dylar. Ýurduň bütin ilaty Ýoşyýanyň ogly
Ýehogahazy getirip, başyna ýag guýup,
kakasynyň ýerine patyşa goýdular.

### *Ýahuda patyşasy Ýehogahaz*

31 Ýehogahaz patyşa bolanda ýigrimi
üç ýaşyndady. Ol Iýerusalimde üç aý
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Hamutal lib-
naly Ýermeýanyň gyzydy. 32 Ýehogahaz
ata-babalary ýaly Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi. 33 Faraon Neko Iýeru-
salimde patyşalyk etmesin diýip, Hamat
ýurdunyň Ribla diýen ýerinde, Ýehoga-
hazy ýesir aldy. Ol ýurduň başyna bir
ýüz ýetmiş batman [a] kümüş, bir ýarym
batmana [b] golaý hem altyn salgyt saldy.
34 Faraon Neko Ýoşyýanyň ogly Elýa-
kymy kakasy Ýoşyýanyň ýerine patyşa
etdi we onuň adyny üýtgedip, Ýehoýa-
kym goýdy. Soňra ol Ýehogahazy alyp,
Müsüre geldi. Ýehogahaz şol ýerde öldi.
35 Ýehoýakym faraona kümüş bilen altyn
berdi. Ol faraon Nekonyň tabşyrygyny
ýerine ýetirmek üçin ýurda salgyt salyp,
ýahuda halkynyň her birinden baýlygyna
garap, altyn we kümüş aldy.

### *Ýahuda patyşasy Ýehoýakym*

36 Ýehoýakym patyşa bolanda ýigrimi
bäş ýaşyndady. Ol Iýerusalimde on bir
ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi Zebida
rumaly Pedaýanyň gyzydy. 37 Ýeho-
ýakym edil ata-babalary ýaly Rebbiň
nazarynda ýigrenji işleri etdi.

## 24-nji bap

1 Ýehoýakymyň patyşalyk eden döw-
ründe Babyl patyşasy Nebukadnesar
onuň üstüne hüjüm etdi. Ýehoýakym
üç ýyllap Babyl patyşasynyň hyzmat-
käri bolsa-da, onuň garşysyna gozgalaň
turuzdy. 2 Reb Öz gullary pygamberler
arkaly aýdan sözüne görä, Ýahudanyň
halkynyň baryny gyrdyrmak üçin ba-
byllylaryň, siriýalylaryň, mowaplylaryň
we ammonlylaryň goşunlaryny olaryň
üstüne iberdi. 3-4 Hakykatdan-da, Rebbiň
emri bilen ýahuda halkynyň başyna kül-
pet indi. Manaşanyň bar eden günäleri
we pis işleri hem-de onuň döken bigünä
gany üçin Reb ýahuda halkyny huzu-
ryndan kowmakçy boldy. Manaşanyň
Iýerusalimi bigünä gandan dolduran-
dygy zerarly Reb onuň günäsini geçmek
islemedi. 5 Ýehoýakymyň patyşalygy
baradaky beýleki wakalar we onuň ähli
eden işleri ýahuda patyşalarynyň ýyl
ýazgylarynda ýazylandyr. 6 Şeýdip, Ýe-
hoýakym ata-babalaryna gowuşdy. Ogly
Ýehoýakyn onuň ýerine patyşa boldy.
7 Müsür patyşasy öz ýurdundan çykmady,
çünki Babyl patyşasy Müsür serhedin-
den Ýewfrat derýasyna çenli oňa degişli
bolan ýerleriň baryny basyp alypdy.

### *Ýahuda patyşasy Ýehoýakyn*
*(2 Ýyl ýazgylary 36:9-10)*

8 Ýehoýakyn patyşa bolanda on se-
kiz ýaşyndady. Ol Iýerusalimde üç aý
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Nehuşta iýe-
rusalimli Elnatanyň gyzydy. 9 Ýehoýakyn

---

[a] **23:33 *Bir ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3,4 tonna deňdir.
[b] **23:33 *Bir ýarym batmana golaý*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.

edil kakasy Ýehoýakym ýaly Rebbiň
nazarynda ýigrenji işleri etdi. [10]Şol dö-
würde Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
goşunlary Iýerusalimiň üstüne hüjüm
edip, onuň daşyny gabadylar. [11]Leş-
gerleri şäheriň daşyny gabawda saklap
ýörkäler, Nebukadnesar Iýerusalime
geldi. [12]Ýahuda patyşasy Ýehoýakyn
ejesi, hyzmatkärleri, serkerdeleri we
köşk emeldarlary bilen birlikde Babyl
patyşasyna tabyn boldular. Babyl patyşa-
sy Ýehoýakyny patyşalygynyň sekizinji
ýylynda ýesir aldy. [13]Rebbiň aýdyşy ýaly,
Babyl patyşasy Rebbiň öýündäki we pa-
tyşanyň öýündäki hazynalaryň baryny
alyp gitdi. Ol Ysraýyl patyşasy Süleý-
manyň Rebbiň öýünde ýasan ähli altyn
gap-gaçlaryny kül-peýekun etdi. [14]Babyl
patyşasy Iýerusalimiň tutuş ilatyny, onuň
ähli emeldarlaryny, ähli batyr ýigitlerini,
on müň sany adamyny, şeýle hem hünär-
mentlerini we demirçi ussalaryny ýesir
edip äkitdi. Ol ýurtda garyp-gasarlardan
başga ýekeje adam hem galdyrmady.
[15]Nebukadnesar patyşa Ýehoýakyny we
patyşanyň ejesini, onuň aýallaryny we
emeldarlaryny, ýurduň baştutanlaryny
Iýerusalimden Babyla ýesir edip äkitdi.
[16]Babyl patyşasy ýedi müň sany söweşi-
jileri, müň sany hünärmentlerdir demirçi
ussalary Babyla getirdi. Olaryň bary-da
güýçli we urşa ukyply adamlardy. [17]Ba-
byl patyşasy Ýehoýakynyň ýerine agasy
Matanýany patyşa edip, adyny üýtgedip,
ony Sidkiýa diýip atlandyrdy.

### *Ýahuda patyşasy Sidkiýa*
*(2 Ýyl ýazgylary 36:11-16;*
*Ýermeýa 52:1-3)*

[18]Sidkiýa patyşa bolanda ýigrimi bir
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde on bir ýyl
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Hamutal lib-
naly Ýermeýanyň gyzydy. [19]Sidkiýa
hem Ýehoýakym ýaly Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi. [20]Rebbiň Iýerusali-
me we Ýahuda halklaryna garşy bolan
gahary tutaşýardy. Ol şonuň üçin olary
Öz huzuryndan kowdy. Sidkiýa Babyl
patyşasyna garşy uruş turuzdy.

## 25-nji bap

### *Iýerusalimiň synmagy*
*(2 Ýyl ýazgylary 36:17-21;*
*Ýermeýa 52:3-30)*

[1]Sidkiýanyň patyşalygynyň doku-
zynjy ýylynyň onunjy aýynyň onuna
Babyl patyşasy Nebukadnesar bütin
goşuny bilen Iýerusalime hüjüm edip,
onuň garşysynda düşelge gurdy. Olar
Iýerusalime girmek üçin, onuň daş-tö-
wereginde ýapgyt gurdular. [2]Şeýdip,
Sidkiýanyň patyşalygynyň on birinji
ýylyna çenli Iýerusalim gabawda durdy.
[3]Dördünji aýyň[a] dokuzynjy gününde şä-
herde açlyk artyp, ýurduň ilaty iýmäge
çöregem tapmady. [4]Galanyň diwarynyň
bir bölegi duşman tarapyndan ýykylyp-
dy. Babyllylar galanyň daş-töweregini
gurşap alan bolsalar-da, Sidkiýa ähli
esgerleri bilen gije patyşanyň bagynyň
gapdalyndaky iki diwaryň arasyndaky
derwezeden çykyp, Iordan deresine tarap
gaçyp gitdiler. [5]Emma babyllylaryň go-
şuny patyşanyň yzyndan kowup, Ýeriho
düzlüginde yzyndan ýetdi. Patyşanyň bar
goşuny onuň ýanyndan gaçyp, dagaşyp
gitdiler. [6]Onsoň babyllylar patyşany
tutup, Ribla getirdiler. Şol ýerde Babyl
patyşasy oňa höküm çykardy. [7]Olar
Sidkiýanyň ogullaryny onuň gözüniň
alnynda öldürdiler. Onsoň olar şol ýerde

[a] **25:3** ***Dördünji aýyň*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok, ýöne Ýrm 52:6-da bar.

Sidkiýanyň gözlerini oýdular-da, zynjyr
bilen baglap, Babyla alyp gitdiler.

### *Ybadathana weýran edilýär*

8 Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
patyşalygynyň on dokuzynjy ýylynyň
bäşinji aýynyň onunjy güni şanyň jan-
penalarynyň baştutany hem emeldary
Nebuzaradon Iýerusalime geldi. 9 Ne-
buzaradon Rebbiň öýüne, patyşanyň
öýüne we Iýerusalimiň ähli jaýlaryna
ot berdi; ol uly jaýlaryň ählisini ýakdy.
10 Babyllylaryň janpenalaryň baştutany
bilen gelen bütin goşuny Iýerusalimiň
daş-töweregindäki diwarlaryny ýykdy.
11 Janpenalaryň baştutany Nebuzaradon
halkyň şäherde aman galanlary, Babyl
patyşasynyň tarapyna geçen gaçgak-
lary we beýleki galan ilaty ýesir edip
äkitdi. 12 Emma janpenalaryň baştutany
ýurduň garyp-gasarlarynyň käbirlerini
üzümçilik we daýhançylyk bilen meş-
gullansynlar diýip goýup gaýtdy.
13 Babyllylar Rebbiň öýündäki bürünç
sütünleri, şeýle hem ol ýerdäki arabalary
we bürünç howzy parçalap, ähli bürünji
Babyla alyp gitdiler. 14 Olar ybadathana
hyzmaty üçin ulanylýan gazanlary, kül
atarlary, ätişgirleri, ýakymly ysly tütetgi
ýakmak üçin ulanylýan gaplary we beý-
leki ähli bürünç gap-gaçlary Babyla alyp
gitdiler. 15 Janpenalaryň baştutany bular-
dan başga-da maňňallary we legenleri
alyp gitdi. Ol altyndan ýasalan zatlary
altyny üçin, kümüşden ýasalan zatlary
hem kümşi üçin alyp gitdi. 16 Süleýma-
nyň Rebbiň öýi üçin eden iki sütüniniň,
bir howzunyň, arabalarynyň we ähli
gap-gaçlaryň bürünjiniň agramy çäk-
sizdi. 17 Bir sütüniň beýikliginiň özi on
sekiz tirsekdi. Sütüniň depesinde-de bir
sany bürünç täç bardy. Bir täjiň beýik-
ligi üç tirsekdi we täjiň daş-töweregine
aýlanan narlardyr örme zynjyrlar hem
tutuş bürünçden ýasalandy.

### *Ýahuda halky Babyla ýesir edip äkidilýär*

18 Janpenalaryň baştutany baş ruhany
Seraýa bilen ikinji ruhany Sepanýany
hem-de üç sany gapy sakçysyny Baby-
la ýesir edip äkitdi. 19 Ol şäherde galan
esgerleriň baştutany edip bellenen bir
harby serkerdäni, patyşanyň şäherden
tapylan bäş sany maslahatçysyny, ýur-
duň ilatyny goşuna ýazýan serkerde
mürzäni we ýurduň ilatynyň şäherden
tapylan altmyş baştutanyny hemmeler
bilen alyp gitdi. 20 Janpenalaryň baştu-
tany Nebuzaradon olary tutup, Hamat
ýurdunyň Ribla galasyna, Babyl patyşa-
synyň ýanyna getirdi. 21 Babyl patyşasy
Hamat ýurdunyň Ribla galasynda olaryň
baryny öldürdi. Şeýdip, ýahuda halky öz
ýurdundan ýesir edilip äkidildi.

### *Ýahuda häkimi Gedalýa*

*(Ýermeýa 40:7-9; 41:1-3)*

22 Babyl patyşasy Nebukadnesar Ýa-
hudada galdyran halkynyň üstünden
Şapanyň agtygy, Ahykamyň ogly Ge-
dalýany häkimlige belledi. 23 Indi bütin
goşunbaşylar we olaryň adamlary Babyl
patyşasynyň Gedalýany häkim edip
belländigi barada eşidenlerinde, Ne-
tanýanyň ogly Ysmaýyl, Kareýanyň
ogly Ýohanan, netopaly Tanhumetiň
ogly Seraýa we bir magakatlynyň ogly
Ýazanýa dagy öz goşunlary bilen Mispa,
Gedalýanyň ýanyna geldiler. 24 Gedalýa
olara we olaryň goşunyna ýüzlenip, ant
içip: «Babyllylaryň hökümdarlaryndan
gorkmaň. Ýurtda mesgen tutup, Babyl
patyşasyna gulluk ediň. Şonda size oňat
bolar» diýdi. 25 Emma ýedinji aýda paty-
şa neslinden bolan Elişamanyň agtygy,

Netanýanyň ogly Ysmaýyl özüniň on adamy bilen Gedalýanyň ýanyna geldi we olar ony öldürdiler. Şeýle hem olar Mispada, Gedalýanyň ýanynda bolan ýahudalary we babyllylary-da öldürdiler.
26 Onsoň adamlaryň uludan-kiçä bary we goşunbaşylar Müsüre tarap ýola düşdüler, çünki olar babyllylardan gorkýardylar.

***Ýehoýakyn ýesirlikden boşadylýar***
*(Ýermeýa 52:31-34)*

27 Ýahuda patyşasy Ýehoýakynyň ýesirliginiň otuz ýedinji ýylynyň on ikinji aýynyň ýigrimi ýedisine Ewilmerodak Babyla patyşa bolup, Ýahuda patyşasy Ýehoýakyny ýesirlikden boşatdy.
28 Ol Ýehoýakyn bilen mähirli bolup, tagtyny özi bilen Babyla sürgün edilen başga patyşalaryň tagtlaryndan ýokarda goýdy.
29 Şeýdip, Ýehoýakyn özüniň ýesirlikdäki eşiklerini çalşyrdy. Ol bütin ömrüne patyşanyň saçagyndan naharlandy.
30 Onuň gündelik eklenji ömrüniň ahyryna çenli hemişe patyşa tarapyndan berildi.

# Ýyl ýazgylary

## Birinji kitap

## Giriş

*Ýyl ýazgylarynyň* birinji we ikinji kitaplary ýewreý dilinde «Ýyllaryň wakalary» ady bilen bellidir. Bu kitaplaryň, şeýle-de *Ezra* we *Nehemýa* kitaplarynyň awtory Ezra mürze hasaplanylýar.

Bu kitaplarda ysraýyl tireleriniň nesil daragtlary, Dawut we Süleýman pygamberleriň ömri we eden işleri beýan edilýär. Gelejekde halas etjek Mesih Patyşanyň gelerine umyt döretmek üçin, bu iki beýik pygamberiň ömür beýanlary nusgalyk hökmünde görkezilýär.

***Mazmuny***


Nesil daragtlary we sanawlar ........ *1:1–9:44*
Şawulyň ölümi ........ *10:1-14*
Dawudyň şalyk sürmegi ........ *11:1–29:30*
Kynçylyklar we üstünlikler ........ *11:1–22:1*
Ybadathanany gurmak üçin görülýän taýýarlyk ........ *22:2–29:30*


---

### 1-nji bap

***Adam atadan Ybraýyma çenli bolan nesiller***
*(Gelip çykyş 10:2-5)*

1 Adamdan Şis, Şisden Enoş, Enoş-
dan Keýnan, 2 Keýnandan Mahalalel,
Mahalalelden Ýeret, 3 Ýeretden Hanok,
Hanokdan Metuşela, Metuşeladan Le-
mek, Lemekden Nuh doguldy. 4 Nuhuň
ogullary: Sam, Ham we Ýafes.
5 Ýafesiň nesilleri: Gomer, Magok,
Madaý, Ýawan, Tubal, Meşek we
Tiras.
6 Gomeriň nesilleri: Aşkenaz, Ripat
we Togarma.
7 Ýawanyň nesilleri: Elişa, Tarşyş, Ki-
tim we Dodanym.
8 Hamyň nesilleri: Kuş, Müsür, Put
we Kengan.
9 Kuşuň nesilleri: Seba, Hawyla, Sabta,
Ragama we Sabteka.
Ragamanyň nesilleri: Şeba we Dedan.
10 Kuşdan ýene Nimrot doguldy; ol
ýer ýüzünde ilkinji edermen urşujydy.
11-12 Müsür lutlaryň, anamlaryň, le-
hablaryň, naptuhlaryň, patruslaryň,
kasluhlaryň we kaptorlaryň atasydy;
kasluhlardan hem piliştliler gelip çykdy.

13-16 Kengandan onuň ilkinji ogly Sidon
hem-de Het doguldy. Kengan ýabuslyla-
ryň, amorlaryň, girgaşlaryň, hiwileriň,
arklaryň, sinleriň, arwatlaryň, semarla-
ryň we hamatlaryň hem atasydy.
17 Samyň nesilleri: Eýlam, Aşur, Arpak-
şat, Lut, Aram, Us, Hul, Geter, Meşek.
18 Arpakşatdan Şela, Şeladan Eber dogul-
dy. 19 Eberden iki ogul dünýä indi, olaryň
biriniň ady Pelekdi, onuň döwründe
dünýädäki halklar bölünipdi [a]; onuň
doganynyň ady Ýoktandy. 20 Ýoktandan
Almodat, Şelep, Hasarmawet, Ýera, 21 Ha-
doram, Uzal, Dikla, 22 Eýbal [b], Abymaýyl,
Şeba, 23 Opyr, Hawyla we Ýobap doguldy.
Bularyň hemmesi Ýoktanyň nesilleridir.

### Samdan Ybraýyma çenli bolan nesiller

24 Sam, Arpakşat, Şela; 25 Eber, Pelek,
Reguw; 26 Seruk, Nahor, Tera; 27 Ybram,
ýagny Ybraýym.

### Ybraýymyň nesilleri
*(Gelip çykyş 25:1-4,12-16; 36:10-14)*

28 Ybraýymyň ogullary: Yshak, Ys-
maýyl. 29-31 Olaryň nesilleri şulardyr:
Ysmaýylyň nowbahar ogly Nebaýot.
Soňra Kedar, Adbeýel, Mibsam, Miş-
ma, Duma, Masa, Hadat, Teýma, Ýetur,
Napyş we Kedema doguldy. Bular Ys-
maýylyň ogullarydyr.
32 Ybraýymyň gyrnak aýaly Ketura-
nyň oňa dogrup beren ogullary: Zimran,
Ýokşan, Medan, Midýan, Ýişbak we Şu-
wa. Ýokşandan Şeba we Dedan doguldy.
33 Midýanyň ogullary: Eýpa, Eper, Ha-
nok, Abyda we Eldaga. Bularyň hemmesi
Keturanyň nesilleridi.
34 Ybraýymdan Yshak doguldy. Ys-
hagyň ogullary: Ysaw we Ysraýyl.
35 Ysawyň ogullary: Elipaz, Reguwal,
Ýeguş, Ýaglam we Kora. 36 Elipazyň
ogullary: Teýman, Omar, Sepi [ç], Gatam,
Kenaz, Timna we Amalek. 37 Reguwalyň
ogullary: Nahat, Zera, Şamma we Miza.

### Edomyň ýerli ilaty
*(Gelip çykyş 36:20-28)*

38 Segiriň ogullary: Lotan, Şobal,
Sibgon, Ana, Dişon, Eser we Dişan. 39 Lo-
tanyň ogullary: Hory we Homam; Timna
Lotanyň aýal doganydy. 40 Şobalyň ogul-
lary: Alýan [d], Manahat, Eýbal, Şepo we
Onam. Sibgonyň ogullary: Aýa we Ana.
41 Ananyň ogly: Dişon. Dişonyň ogulla-
ry: Hamran [e], Eşban, Ýytran we Keran.
42 Eseriň ogullary: Bilhan, Zagawan we
Ýagkan [ä]. Dişanyň ogullary: Us we Aran.

### Edomyň patyşalary
*(Gelip çykyş 36:31-43)*

43 Ysraýyllara hiç bir patyşa şalyk et-
mezden öňki Edom ýurdunda höküm
süren patyşalar şu aşakdakylardyr: Bego-
ryň ogly Bala. Onuň paýtagt galasynyň
ady Dinhabady. 44 Bala dünýäden ötüp,
onuň ýerine Bosra galasyndan bolan Ze-
ranyň ogly Ýobap patyşa boldy. 45 Ýobap
dünýäden ötüp, onuň ýerine teýmanly
Huşam patyşa boldy. 46 Huşam dünýä-
den ötüp, onuň ýerine Mowap ýurdunda

---

[a] **1:19 *Pelekdi… bölünipdi*** – ýewreýçe *Pelekdi* we *bölünipdi* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **1:22 *Eýbal*** – käbir gadymy terjimelerde *Obal*. Seret: Gçk 10:28.
[ç] **1:36 *Sepi*** – käbir gadymy golýazmalarda *Sepo*. Seret: Gel 36:11.
[d] **1:40 *Alýan*** – käbir gadymy terjimelerde *Alwan*. Seret: Gçk 36:23.
[e] **1:41 *Hamran*** – bu at Gçk 36:26-da *Hemdan* diýip duş gelýär.
[ä] **1:42 *Ýagkan*** – bu at Gçk 36:27-de *Akan* diýip duş gelýär.

midýanlary ýeňen, Bedatyň ogly Hadat
patyşa boldy. Onuň paýtagt galasynyň
ady Awytdy. 47 Hadat dünýäden ötüp,
onuň ýerine masrekaly Samla patyşa
boldy. 48 Samla dünýäden ötüp, onuň
ýerine Ýewfrat derýasynyň boýundaky
Rehobotdan bolan Şawul patyşa boldy.
49 Şawul dünýäden ötüp, onuň ýerine
Akboryň ogly Bagalhanan patyşa boldy.
50 Bagalhanan dünýäden ötüp, onuň ýe-
rine Hadat patyşa boldy. Onuň paýtagt
galasynyň ady Pagudy. Meýzahabyň
agtygy, Matrediň gyzy Meheýtabel onuň
aýalydyr. 51 Hadat dünýäden ötdi.
Edomyň urugbaşylary şulardy: Timna,
Alwa, Ýetet, 52 Oholybama, Ela, Pinon,
53 Kenaz, Teýman, Mibsar, 54 Magdyýel
we Iram. Bularyň hemmesi Edomyň
urugbaşylarydy.

## 2-nji bap

### *Ysraýylyň nesilleri*

1-2 Ysraýylyň ogullary şulardyr: Ruben,
Şimgon, Lewi, Ýahuda, Ysakar, Zebu-
lun, Dan, Ýusup, Benýamin, Naftaly,
Gat we Aşer.
3 Ýahudanyň ogullary şulardyr: Er,
Onan we Şela. Bu üçüsi onuň kengan
aýaly Batşuwadan doglan ogullarydyr.
Reb Ýahudanyň nowbahar ogly Eri Öz
nazarynda betpäl bolany üçin öldürdi.
4 Ýahudanyň gelni Tamardan Peres hem
Zera doguldy. Onuň jemi bäş ogly bardy.
5 Peresiň ogullary: Hesron, Hamul.
6 Zeranyň ogullary: Zimri, Eýtan,
Heýman, Kalkol, Dara – jemi bäş ogul.
7 Karmynyň ogly: Akar[a]. Ol Rebbe bagyş
edilen zady alyp, günä etdi we Ysraýylyň
başyna bela getirdi[b].
8 Eýtanyň ogly Azarýa.

### *Dawut patyşanyň nesil daragty*

9 Hesronyň ogullary: Ýerahmeýel, Ram
we Kelubaý[ç].
10 Ramdan Eminadap, Eminadapdan
ýahudalaryň tirebaşysy Nahşon doguldy.
11-12 Nahşondan Salma[d], Salmadan
Bowaz, Bowazdan Obet, Obetden Ýy-
şaý doguldy.
13-16 Ýyşaýdan onuň nowbahar ogly
Eliýap, ikinji ogly Abynadap, üçünji ogly
Şimga, dördünji ogly Netanel, bäşinji og-
ly Radaý, altynjy ogly Osem, ýedinji ogly
Dawut hem-de olaryň aýal doganlary
Seruýa bilen Abygaýyl doguldy. Seru-
ýadan Abyşaý, Ýowap hem-de Asahel
atly üç ogul dünýä indi. 17 Abygaýyldan
Emasa doguldy. Ysmaýyl urugyndan
bolan Ýeter Emasanyň kakasydyr.

### *Hesronyň nesilleri*

18 Hesronyň ogly Kalebiň Azuba hem-
de Ýerigot atly aýallaryndan birnäçe
çagasy boldy. Azubadan bolan ogullar,
ine, şulardyr: Ýeşer, Şobap, Ardon.
19 Azuba ölenden soň, Kalep Efraty
aýallyga aldy; Efratdan Hur doguldy.
20 Hurdan Ury, Urudan Besalel doguldy.
21 Hesron Gilgadyň kakasy Maky-
ryň gyzynyň ýanyna girdi. Hesron oňa
öýlenende altmyş ýaşyndady. Ondan
Segup doguldy. 22 Segupdan Ýaýyr
doguldy. Gilgatda onuň ýigrimi üç ga-
lasy bardy. 23 Ýöne Geşur bilen Aram
olardan Hawotýaýyry hem-de Kenaty

---

[a] **2:7** ***Akar*** – bu at Ýeş 7:1-de *Akan* diýip duş gelýär.
[b] **2:7** ***Akar… bela getirdi*** – ýewreýçe *Akar* we *bela getirdi* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[ç] **2:9** ***Kelubaý*** – Kalebiň beýleki ady.
[d] **2:11-12** ***Salma*** – käbir gadymy terjimelerde *Salmon*. Seret: Rut 4:18-22.

obalary bilen bile – jemi altmyş gala
aldylar. Şular Gilgadyň kakasy Ma-
kyryň nesilleridir.
24 Hesron Kalepefratda dünýäden ötdi.
Onuň aýaly Abyýa Aşhury dogdy. Aşhur
Tekowa galasynyň düýbüni tutdy.

### *Ýerahmeýeliň nesilleri*

25 Hesronyň nowbahar ogly Ýerah-
meýeliň ogullary: nowbahar ogly Ram,
Buna, Oren, Osem we Ahyýa. 26 Ýerah-
meýeliň Atara atly ýene-de bir aýaly
bardy. Ol Onamyň ejesidir.
27 Ýerahmeýeliň nowbahar ogly Ram-
dan Magas, Ýamyn we Eker doguldy.
28 Onamdan Şammaý hem-de Ýada,
Şammaýdan Nadap hem-de Abyşur
doguldy.
29 Abyşuryň aýalynyň ady Abyhaýyldy.
Ondan Ahban hem-de Molyt doguldy.
30 Nadapdan Selet we Apaýym doguldy.
Seletden nesil galmady. 31 Apaýymdan
Ýişgi, Ýişgiden Şeşan, Şeşandan Ahlaý
doguldy.
32 Şammaýyň inisi Ýadadan Ýeter we
Ýonatan doguldy. Ýeterden nesil galmady.
33 Ýonatandan Pelet hem-de Zaza do-
guldy. Bular Ýerahmeýeliň nesilleridir.
34 Şeşanyň ogly ýokdy, onuň diňe gyz-
lary bardy; ýöne Şeşanyň Ýarha atly bir
müsürli guly bardy. 35 Onsoň Şeşan guly
Ýarha gyzyny aýallyga berdi. Onuň gy-
zyndan Ataý doguldy.
36 Ataýdan Natan, Natandan Zabat,
37 Zabatdan Eplal, Eplaldan Obet, 38 Obet-
den Ýehu, Ýehudan Azarýa, 39 Azarýadan
Heles, Helesden Elgasa, 40 Elgasadan
Sismaý, Sismaýdan Şallum, 41 Şallumdan
Ýekamýa, Ýekamýadan Elişama doguldy.

### *Kalebiň nesilleri*

42 Ýerahmeýeliň inisi Kalebiň ogullary:
nowbahar ogly Meşa; ol Zibiň kakasydyr.
Kalebiň ikinji ogly Mareşa; ol Hebronyň
kakasydyr.
43 Hebronyň ogullary: Kora, Tapuwa,
Rekem we Şema. 44 Şemadan Ýorkaga-
myň kakasy Raham; Rekemden Şammaý
doguldy. 45 Şammaýdan Magon doguldy.
Magon Beýtsuryň kakasydyr.
46 Kalebiň gyrnak aýaly Eýpadan Ha-
ran, Mosa we Gazez doguldy. Harandan
ogul bolup, oňa Gazez doganynyň ady-
ny dakdy.
47 Ýahdaýyň ogullary: Regem, Ýotam,
Geşan, Pelet, Eýpa we Şagap.
48 Kalebiň gyrnak aýaly Magakadan
Şeber hem-de Tirhana doguldy. 49 Soň-
ra ondan Şagap bilen Şewa doguldy.
Şagap Madmannany esaslandyrypdy,
Şewa Makbena bilen Gibgany esaslan-
dyrypdy. Kalebiň hem bir gyzy bardy,
onuň ady Aksady. 50 Ine, şular Kalebiň
nesilleridir.

Kalebiň aýaly Efratdan nowbahar og-
ly Hur doguldy. Huruň üç ogly bolup,
birinjisiniň ady Şobaldy, ol Kirýatýe-
garymy esaslandyrypdy. 51 Onuň ikinji
ogly Salma bolup, ol Beýtullahamy esas-
landyrypdy, üçünji oglunyň ady Harep
bolup, ol Beýtgaderi esaslandyrypdy.
52 Kirýatýegarymy esaslandyran
Şobal harowalaryň we manahatlaryň
ýarysynyň atasydy. 53 Şeýle hem Kirýat-
ýegarymyň uruglary bolan ýytralaryň,
putlaryň, şumatlaryň, mişralaryň-da
atasydy. Sorga hem Eştawol şäherle-
riniň halky hem şu uruglardan gelip
çykypdy.
54 Beýtullahamy esaslandyran Salma
netopalylaryň, Atrot Beýtýowabyň hem
manahatlaryň ýarysy Sorga halkynyň
atasydy. 55 Ýagbesde ýaşan kätipleriň
uruglary: tirgatlar, şimgatlar we sukatlar.
Olar Rekabyň nesliniň atasy Hammatdan
gelip çykan keýnlerdi.

## 3-nji bap

***Dawudyň nesilleri***
*(2 Şamuwel 3:2-5;*
*5:4-5,14-16; 1 Patyşalar 2:11;*
*1 Ýyl ýazgylary 14:3-6; 29:27)*

1 Ine, şular Dawudyň Hebrondaka dog-
lan ogullarydyr: ýizregelli Ahynogamdan
bolan nowbahar ogly Amnon; karmelli
Abygaýyldan bolan ikinji ogly Danyýel.
2 Üçünji ogly Geşur şasy Talmaýyň gyzy
Magakadan bolan Abşalom, dördünji ogly
Hagytdan bolan Adonyýa; 3 Bäşinji ogly
Abytaldan bolan Şepatýa; altynjy ogly
aýaly Egladan bolan Ýitregam; 4 Şu altysy
Dawudyň Hebrondaka bolan ogullarydyr.
Ol bu ýerde ýedi ýyl alty aý şalyk sürdi.

Dawut Iýerusalimde otuz üç ýyl şalyk
sürdi. 5 Bular Dawut Iýerusalimdekä
doglanlardyr: Şimga, Şobap, Natan, Sü-
leýman; olar Emiýeliň gyzy Batşebadan
bolan dört oguldylar.

6-8 Bulardan soň ýene dokuz ogul do-
guldy: Ýybhar, Elişama, Elipelet, Noga,
Nepek, Ýapyýa, Elişama, Elýada we
Elipelet.

9 Dawudyň şu ogullaryndan başga
gyrnaklaryndan bolan ogullary-da bar-
dy. Onuň Tamar diýen gyzy hem bardy.

***Süleýmanyň nesilleri***

10 Süleýmandan Rehabgam, Rehab-
gamdan Abyýa, Abyýadan Asa, Asadan
Ýehoşapat, 11 Ýehoşapatdan Ýehoram,
Ýehoramdan Ahazýa, Ahazýadan Ýo-
waş, 12 Ýowaşdan Amazýa, Amazýadan
Uzyýa, Uzyýadan Ýotam, 13 Ýotamdan
Ahaz, Ahazdan Hizkiýa, Hizkiýadan
Manaşa, 14 Manaşadan Amon, Amondan
Ýoşyýa doguldy.

15 Ýoşyýanyň ogullary: nowbahar ogly
Ýohanan, ikinji ogly Ýehoýakym, üçün-
ji ogly Sidkiýa, dördünji ogly Şallum.

16 Ýehoýakymyň nesilleri: Ýehoýa-
kymdan Ýekonýa [a], Ýekonýadan Sidkiýa
doguldy.

17-18 Ýesir edip äkidilen Ýekonýanyň
ogullary: Şeýaltyýel, Malkyram, Pedaýa,
Şenasar, Ýekamýa, Hoşama we Nedabýa.

19 Pedaýanyň ogullary: Zerubabyl we
Şimgi. Zerubabylyň ogullary: Meşul-
lam, Hananýa we Şelomyt olaryň aýal
doganydy.

20 Zerubabylyň beýleki bäş ogly:
Haşuba, Ohel, Berekýa, Hasadýa we
Ýuşapheset.

21 Hananýanyň ogullary: Pelatýa we
Ýeşagýa. Ýeşagýadan Repaýa, Re-
paýadan Arnan, Arnandan Abadýa,
Abadýadan Şekanýa doguldy.

22 Şekanýadan Şemagýa doguldy.
Şemagýanyň ogullary: Hatuş, Ýygal,
Baryýa, Negarýa we Şapat. Şunlukda,
Şekanýanyň bir ogly we bäş agtygy –
jemi alty adam boldy.

23 Negarýanyň ogullary: Elýogeýnaý,
Hizkiýa we Azrykam. Bular jemi üç
oguldylar.

24 Elýogeýnaýyň ogullary: Hodaw-
ýa, Elýaşyp, Pelaýa, Akup, Ýohanan,
Delaýa we Anany. Bular jemi ýedi
oguldylar.

## 4-nji bap

***Ýahudanyň nesilleri***

1 Ýahudanyň ogullary: Peres, Hesron,
Karmy, Hur we Şobal.

2 Şobalyň ogly Reýaýadan Ýahat, Ýa-
hatdan Ahumaý we Lahat doguldy. Bular
Sorgalylaryň uruglarydyr.

[a] **3:16** ***Ýekonýa*** – bu at 2Pat 24–25-nji baplarda *Ýehoýakyn* diýip duş gelýär.

3-4 Efratyň nowbahar ogly, Beýtul-
lahamy esaslandyran Huruň ogullary
şulardy: Eýtam, Penuwal we Ezer. Eýta-
myň ogullary şulardy: Ýizregel, Ýyşma
we Ýydbaş. Olaryň aýal doganynyň ady
Haslelponydy. Penuwal Gedory esaslan-
dyrypdy, Ezer Huşany esaslandyrypdy.
5 Tekowanyň kakasy Aşhuryň Hela
hem-de Nagara atly iki aýaly bardy. 6 Aş-
huryň Nagara diýen aýalyndan Ahuzam,
Heper, Temeni we Hahaştary doguldy.
Bular Nagaranyň ogullarydy. 7-8 Helanyň
ogullary: Zeret, Sohar, Etnan we Kos.
Kos Anubyň we Hasobebabyň kakasy-
dy. Harumyň ogly Aharheliň nesli-de
Kosdan gelip çykandyr.
9 Ýagbes atly adam bardy; ol doganla-
rynyň arasynda iň abraýlysydy. «Agyry
bilen dogurdym» diýip, ejesi onuň adyna
Ýagbes [a] dakdy. 10 Ýagbes: «Meni ýal-
kasadyň, meniň çäklerimi giňeltsediň,
meniň bilen bolup, meni azapdan we
ýamanlykdan gorasadyň» diýip, Ysra-
ýylyň Hudaýyna dileg etdi. Hudaý onuň
islegini ýerine ýetirdi.
11 Şuhanyň dogany Kelupdan Mehir,
Mehirden Eşton doguldy. 12 Eştondan
Beýtrapa, Paseýa hem-de Irnahaş ga-
lasyny esaslandyran Tehinna doguldy.
Bular Rekanyň ilatydy.
13 Kenazyň ogullary: Otniýel, Seraýa.
Otniýeliň ogly: Hatat we Megonotaý.
14 Megonotaýdan Opra doguldy. Seraýa
Hünärmentler jülgesini döreden Ýowabyň
kakasydy. Köp hünärmentleriň ýaşaýan-
dygy üçin bu ýere şeýle at dakyldy.
15 Ýepunnäniň ogly bolan Kalebiň
ogullary: Yru, Ela we Nagam. Eladan
Kenaz doguldy.
16 Ýehalleleliň ogullary: Zip, Zipa, Tir-
ýa we Asarel.
17 Ezranyň ogullary: Ýeter, Meret, Eper
we Ýalon. Merediň müsürli aýalyndan:
Merýem, Şammaý we Eştemowa ga-
lasyny esaslandyran Ýyşba doguldy.
18 Merediň müsürli aýaly faraonyň gy-
zy Bitýady. Onuň ýahudaly aýalyndan
Gedory esaslandyran Ýeret, Sokony
esaslandyran Heber bilen Zanowany
esaslandyran Ýekutyýel doguldy.
19 Hodyýanyň aýaly bolan Nahamyň
aýal doganynyň ogullaryndan garmly Ke-
gila bilen magakatly Eştemowa doguldy.
20 Şimonyň ogullary: Amnon, Rinna,
Benhanan we Tilon.
Ýişginiň ogullary: Zohet we Benzohet.

### *Şelahyň nesilleri*

21 Ýahudanyň ogly Şelanyň nesille-
ri şulardyr: Lekany esaslandyran Er,
Mareşany esaslandyran Lagda, Beýtaş-
beýadaky nepis zygyr mata dokaýanlaryň
urugy, 22 Ýokymyň, Kozebanyň adamlary,
Ýowaş hem-de Saraf. Olar Mowap bilen
Ýaşubleheme häkim boldular. Bular ga-
dymy wakalardyr. 23 Bular Netagymyň
hem-de Gederanyň ilatlarydy. Olar pa-
tyşa küýzegär bolup hyzmat etdiler.

### *Şimgonyň nesilleri*

24 Şimgonyň ogullary: Nemu-
wal, Ýamyn, Ýaryp, Zera, Şawul.
25 Şawuldan Şallum, Şallumdan Mibsam,
Mibsamdan Mişma doguldy. 26 Mişma-
nyň ogullary: Mişmadan Hammuwal,
Hammuwaldan Zakur, Zakurdan Şimgi
doguldy. 27 Şimginiň on alty ogly, alty
gyzy bardy, ýöne onuň doganlarynyň per-
zendi köp däldi. Şeýdip, Şimginiň nesilleri
Ýahudanyňky ýaly köpelmedi. 28-31 Olar
Beýerşebada, Moladada, Hasarşugalda,
Bilhada, Esemde, Tolatda, Betuwalda,

[a] **4:9** Ýewreýçe *Ýagbes* we *agyry* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

Hormada, Ziklagda, Beýtmarkabotda,
Hasarsusymda, Beýtbirgide we Şagara-
ýymda ýaşadylar. Ine, şular şimgileriň
Dawut patyşa bolmazyndan öňki gala-
larydy. 32 Olaryň obalary: Eýtam, Aýyn,
Rimmon, Token, Aşan – jemi bäş gala.
33 Bu galalaryň töweregindäki Bagala
çenli bolan obalary olaryň mesgen tutan
ýerleridir. Olar nesil daragtyny ýazdylar.
34 Olaryň urugbaşylary şulardy: Meşobap,
Ýamlek, Amazýanyň ogly Ýoşa, 35 Ýowel,
Asyýeliň çowlugy Seraýanyň agtygy
Ýoşybýanyň ogly Ýehu, 36 Elýogeýnaý,
Ýagakoba, Ýeşohaýa, Asaýa, Adyýel, Ýe-
şimiýel, Benaýa, 37 Şemagýanyň gowlugy,
Şimriniň ýuwlugy, Ýedaýanyň çowlugy,
Allonyň agtygy, Şipginiň ogly Ziza. 38 Şu
atlary boýunça agzalanlar urugbaşylardyr.

Olaryň nesilleri juda köpeldi. 39 Olar öz
sürülerine öri gözläp, Gedora we jülgäniň
gündogar tarapyna çenli baryp ýetdiler.
40 Olar otluk, gowy öri meýdanlarynyň
üstünden bardylar; bu ýer gaty giň, asuda
hem rahatdy. Öň bu ýerde hamlar otu-
rypdylar. 41 Şu atlary ýazylanlar Ýahuda
patyşasy Hizkiýanyň döwründe gelip, öz
çadyrlarynda bolan hamlara we meguny-
lara hüjüm edip, olary büs-bütinleý gyryp
ýok edip, olaryň ýerlerinde ornaşdylar,
sebäbi ol ýerde sürüleri üçin öri meýdan
bardy. 42 Şimgonlaryň bir bölegi – erkek
kişileriniň bäş ýüzüsi Ýişginiň ogullary
Pelatýanyň, Negarýanyň, Repaýanyň
hem-de Uzyýeliň baştutanlygynda Segir
dagyna gitdiler. 43 Olar amalekleriň gaçyp,
diri galanlaryny gyrdylar; olar şu güne
çenli şol ýerde ýaşap gelýärler.

## 5-nji bap

### *Rubeniň nesilleri*

1 Ruben Ysraýylyň nowbahar ogludy,
ýöne ol atasynyň düşegini haramlandygy
üçin nowbahar ogullyk haky ondan
alnyp, Ysraýylyň ogly Ýusubyň per-
zentlerine berildi. Şoňa görä-de nesil
daragtynda Ruben ilkinji ogul hasap
edilmeýär. 2 Ýahuda doganlarynyň ara-
synda güýçlüsi bolup, baştutan ondan
gelip çykan bolsa-da, nowbahar ogullyk
haky Ýusubyňkydy. 3 Ysraýylyň now-
bahar ogly Rubeniň ogullary şulardy:
Hanok, Pallu, Hesron we Karmy.

4 Ýoweliň nesilleri: Şemagýa, Şemag-
ýadan Gok, Gokdan Şimgi, 5 Şimgiden
Mika, Mikadan Reýaýa, Reýaýadan
Bagal, 6 Bagaldan Beýera doguldy. Be-
ýerany Aşuryň patyşasy Tiglatpileser
ýesir edip äkitdi. Beýera rubenleriň
tirebaşysydy. 7-8 Nesil daragtlaryna görä
Beýeranyň kowumlary bilen bolan ga-
ryndaşlary şulardyr: Ýegiýel baştutan;
Zakarýa we Ýoweliň çowlugy, Şemanyň
agtygy, Azazyň ogly Bala. Bu rubenler
Nebo bilen Bagalmegona çenli uzalyp
gidýän Aroger ülkesinde ýaşaýardylar.
9 Gündogara Ýewfrat derýasynyň bu
tarapyndaky çölüň başlanýan ýerine
çenli uzalyp gidýän ýerler hem Belanyň
ýerleridi, sebäbi onuň Gilgatda maly
juda köpelipdi. 10 Şawulyň döwründe
rubenler hagarlar bilen urşup, olary
ýeňip, Gilgadyň tutuş gündogaryna ýaý-
rap, hagarlaryň çadyrlarynda ýaşadylar.

### *Gadyň nesilleri*

11 Gatlar rubenleriň gapdalynda Salka
galasyna çenli bolan Başan ülkesinde
mesgen tutdular. 12 Başanda Ýowel iň
wajyp urugyň baştutanydy, Şapam ikinji
wajyp urugyň baştutanydy, Ýagnaý bilen
Şapat bolsa beýleki uruglaryň baştuta-
nydy. 13 Olaryň garyndaşlary kowumy
boýunça şulardyr: Mikaýyl, Meşullam,
Şeba, Ýoraý, Ýagkan, Ziýa we Eber je-
mi ýedi. 14 Olar Abyhaýylyň nesilleridir.

Abyhaýyl Büzüň taňlygy, Ýahdonyň
geňligi, Ýeşişaýyň gowlugy, Mikaýylyň
ýuwlugy, Gilgadyň çowlugy, Ýarowanyň
agtygy, Hurynyň oglydy. 15 Gunynyň
agtygy, Abdyýeliň ogly Ahy bularyň
arasynda iň beýik urugbaşydy. 16 Gatlar
Gilgatdaky we Başandaky galalarynda
hem-de Şaronyň öri meýdanlarynda
ýaşadylar. 17 Ýahudanyň patyşasy Ýotam
hem-de Ysraýylyň patyşasy Ýarobgamyň
döwründe bularyň hemmesi öz nesil
daragtyna görä hasaba alyndylar.

### *Gündogar tireleriň goşunlary*

18 Rubenlerden, gatlardan hem-de
gündogardaky manaşa tiresinden gylyç-
ly-galkanly, ýaý bilen ok atýan, söweş
tälimini alan, gulluga taýýar kyrk dört
müň ýedi ýüz altmyş sany edermen esger
bardy. 19 Olar hagarlar, ýeturlar, napyşlar
hem-de nodaplar bilen uruşdylar. 20 Olar
uruşda Hudaýa ahy-nala edip, kömek
alandyklary üçin, hagarlaryň hem-de ola-
ryň ýanyndakylaryň ählisini ele saldylar.
Hudaý olaryň ahy-nalasyna jogap berdi,
çünki olar Oňa ynandylar. 21 Olar duş-
manlarynyň elli müň düýesini, iki ýüz elli
müň dowaryny, iki müň eşegini ele sal-
dylar we ýüz müň adamyny ýesir aldylar.
22 Köp adam öldi, sebäbi bu uruş Hudaý-
dandy. Şeýdip, rubenler, gatlar hem-de
gündogardaky manaşa tiresi tä sürgünlik
döwrüne çenli hagarlaryň hem-de olaryň
ýanyndakylaryň ýerlerinde ýaşadylar.

### *Gündogardaky manaşa tiresi*

23 Gündogardaky manaşa tiresiniň
adamlary ýurtda mesgen tutup, Başandan
Bagalhermona, Senire hem-de Hermon
dagyna çenli ýaýradylar. Olar juda köpdi.
24 Ine, şular olaryň kowumbaşylarydyr:
Eper, Ýişgi, Eliýel, Azryýel, Ýerme-
ýa, Hodawýa we Ýahdyýel. Bular batyr
ýigitler, meşhur adamlar we urug baştu-
tanlarydy. 25 Emma bular ata-babalarynyň
Hudaýyndan dänip, Onuň öz öňlerinde
derbi-dagyn eden ýurdunyň halkynyň
hudaýlaryna sežde etmek bilen zyna etdi-
ler. 26 Şoňa görä Ysraýyl Hudaýy Aşuryň
patyşasy Pulyň ruhuny oýardy. Bu pa-
tyşanyň beýleki ady Tiglatpileserdi. Ol
rubenleri, gatlary, gündogardaky manaşa
tiresini ýesir edip, olary Hala, Habora,
Hara hem-de Gozan derýasyna getirdi.
Olar şu güne çenli hem şol ýerdedir.

## 6-njy bap

### *Lewiniň nesilleri*

1 Lewiniň ogullary: Gerşon, Kohat
we Merary. 2 Kohadyň ogullary: Imran,
Ýishar, Hebron we Uzyýel. 3 Imranyň
ogul-gyzy: Harun, Musa we Merýem.
Harunyň ogullary: Nadap, Abyhu, El-
gazar we Ytamar.

4 Elgazardan Pinehas, Pinehasdan Aby-
şuwa, 5 Abyşuwadan Buky, Bukydan Uzy,
6 Uzydan Zerahýa, Zerahýadan Mera-
ýot, 7 Meraýotdan Amarýa, Amarýadan
Ahytup, 8 Ahytupdan Sadok, Sadok-
dan Ahymagas, 9 Ahymagasdan Azarýa,
Azarýadan Ýohanan, 10 Ýohanandan
Azarýa doguldy. Bu şol Süleýmanyň
Iýerusalimde guran öýünde ruhanylyk
eden Azarýadyr. 11 Azarýadan Amarýa,
Amarýadan Ahytup, 12 Ahytupdan Sadok,
Sadokdan Şallum, 13 Şallumdan Hilkiýa,
Hilkiýadan Azarýa 14 Azarýadan Seraýa,
Seraýadan Ýehosadak doguldy. 15 Nebu-
kadnesaryň üsti bilen Reb Ýahudanyň
we Iýerusalimiň halklaryny sürgün eden
döwründe Ýehosadak hem sürgün edildi.

### *Lewiniň beýleki nesilleri*

16 Lewiniň ogullary: Gerşon, Kohat we
Merary. 17 Gerşonyň ogullarynyň atlary

Libni hem-de Şimgidir. [18]Kohadyň ogul-
lary: Imran, Ýishar, Hebron we Uzyýel.
[19]Meraryň ogullary: Mahly we Muşy.
Nesillerine görä lewileriň uruglary şu-
lardyr: [20]Gerşonyň nesilleri: Gerşondan
Libni, Libniden Ýahat, Ýahatdan Zim-
ma, [21]Zimmadan Ýowa, Ýowadan Ydo,
Ydodan Zera, Zeradan Ýeýatraý doguldy.
[22]Kohadyň nesilleri: Kohatdan Emina-
dap, Eminadapdan Kora, Koradan Asyr,
[23]Asyrdan Elkana, Elkanadan Ebiýasap,
Ebiýasapdan Asyr, [24]Asyrdan Tahat,
Tahatdan Uryýel, Uryýelden Uzyýa,
Uzyýadan Şawul doguldy.
[25]Elkananyň ogullary: Omasaý we
Ahymot. [26]Ahymotdan Elkana, Elkana-
dan Sopaý, Sopaýdan Nahat, [27]Nahatdan
Eliýap, Eliýapdan Ýeroham, Ýeroham-
dan Elkana doguldy.
[28]Şamuweliň ogullary: nowbahar ogly
Ýowel [a], ikinji ogly Abyýa.
[29]Meraryň nesilleri: Merarydan
Mahly, Mahlydan Libni, Libniden Şimgi,
Şimgiden Uza, [30]Uzadan Şimga, Şimga-
dan Hagyýa, Hagyýadan Asaýa doguldy.

### *Ybadathana sazandalary*

[31]Äht sandygyny Rebbiň öýünde go-
ýandan soň, Dawudyň şol ýerde nagma
aýtmaga bellän adamlary şulardyr. [32]Bu-
lar Süleýman Iýerusalimde Rebbiň öýüni
gurýança, Rebbe ýüz tutulýan mukaddes
çadyryň öňünde nagma aýtdylar. Olar
bellenilen düzgünler boýunça hyzmata
durdular.
[33]Ol ýerde hyzmata duranlar hem-de
olaryň nesilleri şulardyr: kohat uru-
gyndan Ýoweliň ogly Heýman bagşy.
Heýmanyň ata-babalary şulardyr: Şamu-
wel Ýoweliň atasy, [34]Elkana Şamuweliň
atasy, Ýeroham Elkananyň atasy, Eliýel
Ýoramyň atasy, Towa Eliýeliň atasy,
[35]Sup Towanyň atasy, Elkana Supuň
atasy, Mahat Elkananyň atasy, Omasaý
Mahatyň atasy, [36]Elkana Omasaýyň
atasy, Ýowel Elkananyň atasy, Azar-
ýa Ýoweliň atasy, Sepanýa Azarýanyň
atasy, [37]Tahat Sepanýanyň atasy, Asyr
Tahadyň atasy, Ebiýasap Asyryň atasy,
Kora Ebiýasabyň atasy, [38]Ýishar Kora-
nyň atasy, Kohat Ýisharyň atasy, Lewi
Kohadyň atasy, Ysraýyl Lewiniň atasy.
[39]Onuň sagynda duran dogany Asaf,
gerşon urugyndan bolup, Berekýanyň
ogludy. Onuň ata-babalary şulardyr:
Şimga Berekýanyň atasy, [40]Mikaýyl Şim-
ganyň atasy, Bagaseýa Mikaýylyň atasy,
Malkyýa Bagaseýanyň atasy, [41]Etni Mal-
kyýanyň atasy, Zera Etniniň atasy, Adaýa
Zeranyň atasy, [42]Eýtan Adaýanyň atasy,
Zimma Eýtanyň atasy, Şimgi Zimmanyň
atasy, [43]Ýahat Şimginiň atasy, Gerşon
Ýahatyň atasy, Lewi Gerşonyň atasy.
[44]Çep tarapynda olaryň merary uru-
gyndan bolan garyndaşlary durdy. Olar
şulardyr: Kişi Eýtanyň atasy, Abdy
Kişiniň atasy, Malluk Abdynyň atasy,
[45]Haşabýa Mallugyň atasy, Amazýa
Haşabyň atasy, Hilkiýa Amazýanyň
atasy, [46]Emasy Hilkiýanyň atasy, Bany
Emasynyň atasy, Şemer Banynyň atasy
[47]Mahly Şemeriň atasy, Muşy Mahly-
nyň atasy, Merary Muşynyň atasy, Lewi
Meraryň atasy.
[48]Olaryň garyndaşlary bolan lewiler
mukaddes çadyryň – Hudaýyň öýüniň
hyzmatyna bellendiler.

### *Harunyň nesilleri*

[49]Harun bilen onuň nesilleri ýakma
gurbanlyk sypasynda, ýakymly ysly tü-
tetgi sypasynda sadakalar hödürlediler.

[a] **6:28** ***Ýowel*** – bu söz käbir golýazmada ýok.

Iň mukaddes otagyň ähli işlerini etdiler.
Hudaýyň guly Musanyň tabşyryklaryna
laýyklykda, olar ysraýyl halkyny günä-
sinden sapladylar. 50 Ine, şular Harunyň
nesilleridir: Harundan Elgazar, Elga-
zardan Pinehas, Pinehasdan Abyşuwa,
51 Abyşuwadan Buky, Bukydan Uzy,
Uzydan Zerahýa, 52 Zerahýadan Mera-
ýot, Meraýotdan Amarýa, Amarýadan
Ahytup, 53 Ahytupdan Sadok, Sadokdan
Ahymagas doguldy.

### *Lewileriň mesgen tutan ýerleri*

54-55 Lewileriň öz topraklarynda
mesgen tutan ýerleri şulardyr: kohat
urugyndan bolan Harunyň ogullarynyň
bijesi çykyp, olara Ýahudadaky Hebrony
hem-de onuň töweregindäki öri meý-
danlary berdiler. 56 Ýöne ol galanyň ekin
meýdanlarydyr obalary Ýepunnäniň ogly
Kalebe berildi. 57 Harunyň ogullaryna
gaçybatalga galalary bolan Hebron we
Libna öri meýdanlary bilen bile, Ýatyr
we Eştemowa öri meýdanlary bilen bile,
58 Hilen öri meýdanlary bilen bile, Debir
öri meýdanlary bilen bile, 59 Aşan we
Beýtşemeş öri meýdanlary bilen bilelikde
berildi. 60 Benýamin tiresiniň topragyn-
dan hem öri meýdanlary bilen bilelikde
Geba, öri meýdanlary bilen bilelikde
Alemet hem-de öri meýdanlary bilen
bilelikde Anatot berildi. Olaryň ähli ga-
lalary nesilleriniň sanyna görä on üçdür.

61 Kohatlaryň galan nesillerine bije üsti
bilen günbatardaky manaşa tiresiniň
paýyndan on gala berildi. 62 Gerşonlara
nesilleriniň sanyna görä ysakar, aşer,
naftaly hem-de Başandaky manaşa tire-
lerinden on üç gala berildi. 63 Merarylara
nesilleriniň sanyna görä, ruben, gat hem-
de zebulun tirelerinden on iki gala berildi.
64 Şunlukda, ysraýyllar bu galalary öri
meýdanlary bilen bilelikde lewilere
berdiler. 65 Şeýle hem ysraýyllar lewile-
re bije üsti bilen ýahuda, şimgon hem-de
benýamin tireleriniň atlary agzalan gala-
laryny berdiler. 66 Kohadyň nesillerinden
käbirlerinde efraýym tiresinden alnan ga-
lalary bardy. 67 Olara gaçybatalga galalary
bolan Efraýym daglaryndaky Şekemi öri
meýdanlary bilen bilelikde, şeýle hem
Gezeri öri meýdanlary bilen bilelikde,
68 Ýokmygamy öri meýdanlary bilen bi-
lelikde, Beýthorony öri meýdanlary bilen
bilelikde, 69 Aýalony öri meýdanlary bilen
bilelikde, Gatrimmony öri meýdanlary
bilen bilelikde berdiler. 70 Günbatardaky
manaşa tiresinden öri meýdanlary bilen
bilelikde Aneri, Kohadyň nesilleriniň
galan bölegine öri meýdanlary bilen bi-
lelikde Bilgamy berdiler.

71 Gerşonlara: gündogardaky ma-
naşa tiresinden: öri meýdanlary bilen
bilelikde Başandaky Golany we öri
meýdanlary bilen bilelikde Aştaroty;
72 ysakar tiresinden: öri meýdanlary bilen
bilelikde Kedeşi, öri meýdanlary bilen
bilelikde Daberaty, 73 öri meýdanlary
bilen bilelikde Ramody, öri meýdanlary
bilen bilelikde Anemi; 74 aşer tiresinden:
öri meýdanlary bilen bilelikde Maşaly,
öri meýdanlary bilen bilelikde Abdony,
75 öri meýdanlary bilen bilelikde Hukogy,
öri meýdanlary bilen bilelikde Rehoby;
76 naftaly tiresinden: öri meýdanlary
bilen bilelikde Jeliledäki Kedeşi, öri
meýdanlary bilen bilelikde Hammony,
öri meýdanlary bilen bilelikde Kirýa-
taýymy berdiler. 77 Merary urugynyň
galanlaryna şu ýerler berildi: zebulun
tiresinden öri meýdanlary bilen bilelikde
Rimmono, öri meýdanlary bilen bilelik-
de Tabor, 78 Ýerihodan başlap, Iordanyň
aňyrsyna çenli, Iordanyň gündogar
tarapy, ruben tiresinden: öri meýdan-
lary bilen bilelikde çöldäki Beser, öri

meýdanlary bilen bilelikde Ýahsa, [79] öri
meýdanlary bilen bilelikde Kedemot,
öri meýdanlary bilen bilelikde Meýpa-
gat; [80-81] gat tiresinden: öri meýdanlary
bilen bilelikde Gilgatdaky Ramot, öri
meýdanlary bilen bilelikde Mahanaýym,
öri meýdanlary bilen bilelikde Heşbon,
öri meýdanlary bilen bilelikde Ýazer.

## 7-nji bap

### *Ysakaryň nesilleri*

[1] Ysakaryň ogullary: Tola, Puwa, Ýa-
şup we Şimron – jemi dört. [2] Tolanyň
ogullary: Uzy, Repaýa, Ýeriýel, Ýahmaý,
Ýybsam we Şamuwel. Olar tola urugynyň
kowumbaşylarydyr. Dawudyň döwrün-
de olaryň ýigrimi iki müň alty ýüz sany
batyr ýigitleri bardy. [3] Uzydan Ýyzrahýa
doguldy. Ýyzrahýanyň ogullary: Mika-
ýyl, Abadýa, Ýowel we Ýişiýa. Uzynyň
ogly we agtyklary – jemi bäş; olaryň ähli-
si-de kowumbaşylardy. [4] Nesil daragtyna
görä nesilleriniň otuz alty müň adamly
harby güýçleri bardy, çünki olar köp aýal-
ly hem-de köp ogullydylar. [5] Ysakaryň
ähli nesilleriniň arasynda batyr ýigitler
bolan garyndaşlary nesil daragtlaryna
görä jemi segsen ýedi müňdi.

### *Benýaminiň nesilleri*

[6] Benýaminiň ogullary: Bala, Beker we
Ýedigaýel – jemi üç. [7] Balanyň ogullary:
Esbon, Uzy, Uzyýel, Ýerimot we Iri –
jemi bäş. Bular kowumbaşylar, batyr
ýigitlerdir. Olaryň nesil daragtyna görä
sany ýigrimi iki müň otuz dörtdi. [8] Be-
keriň ogullary: Zemira, Ýogaş, Eligezer,
Elýogeýnaý, Omry, Ýeremot, Abyýa,
Anatot, Alemet. Şularyň hemmesi Be-
keriň ogullarydyr. [9] Nesil daragtyna
görä batyr ýigitler bolan kowumbaşy-
laryň sany ýigrimi müň iki ýüz adamdy.
[10] Ýedigaýeliň ogullary: Bilhan. Bilha-
nyň ogullary: Ýeguş, Benýamin, Ehut,
Kenagana, Zetan, Tarşyş we Ahyşahar.
[11] Ýedigaýeliň şu ogullarynyň hemmesi
kowumbaşylardyr we batyr ýigitlerdir.
Olaryň urşa ukyplysy on ýedi müň iki
ýüzdi. [12] Iriň ogullary: Şupym, Hupym;
Huşym bolsa Aheriň ogludyr.

### *Naftalynyň nesilleri*

[13] Naftalynyň ogullary: Ýahsyýel, Gu-
ny, Ýezer we Şallum. Şular Bilhanyň
nesilleridir.

### *Manaşanyň nesilleri*

[14] Manaşanyň ogullary: siriýaly gyrnak
aýalyndan doglan Asryýel; Gilgadyň
kakasy Makyr hem şondan doguldy.
[15] Makyr Hupym bilen Şupymy öýlen-
dirdi. Aýal doganynyň ady Magakady.
Ikinjisiniň ady Selophaddy. Onuň diňe
gyzlary boldy. [16] Makyryň aýaly Magaka
bir ogul dogurdy we onuň adyna Pereş
dakdy. Pereşiň inisiniň ady Şereşdi; onuň
ogullarynyň ady Ulam hem-de Rekemdi.
[17] Ulamdan Bedan doguldy. Manaşanyň
agtygy, Makyryň ogly Gilgadyň ogul-
lary şulardyr. [18] Gilgadyň aýal dogany
Hammoleketden Yşhot, Abygezer we
Mahla doguldy. [19] Şemidanyň ogullary:
Ahýan, Şekem, Likhi we Anygam.

### *Efraýymyň nesilleri*

[20] Efraýymyň ogly Şutela, Şutelanyň
ogly Beret, Benrediň ogly Tahat, Ta-
hadyň ogly Elgada, Elgadanyň ogly
Tahat, [21] Tahadyň ogly Zabat, Zabadyň
ogly Şutela.

Ezer we Elgat Efraýymyň ogullarydy.
Ýerli gat halky olary mal sürülerini basyp
almaga gelendikleri üçin öldürdi. [22] Kaka-
lary Efraýym ençe günläp olaryň ýasyny
tutdy; doganlary oňa göwünlik bermäge

geldiler. [23]Efraýym aýalynyň ýanyna gir-
di. Aýaly göwreli bolup, bir ogul dogurdy
we onuň adyna Beriga dakdy, sebäbi onuň
öýünde betbagtçylyk [a] bardy. [24]Ýokarky
we aşaky Beýthorony hem-de Uzenşeýe-
rany guran onuň gyzy Şeýerady.
[25]Repa onuň ogludy. Repadan Re-
şep, Reşepden Tela, Teladan Tahan,
[26]Tahandan Ladan, Ladandan Emihut,
Emihutdan Elişama, [27]Elişamadan Nun,
Nundan Ýeşuwa doguldy.
[28]Efraýymlaryň mülkleri we mesgen
tutan ýerleri şulardyr: Beýtel galasy we
onuň obalary, gündogarda Nagaran, gün-
batarda Gezer we onuň obalary, Şekem
we onuň obalary, Aýa we onuň obalary.
[29]Manaşalaryň çäklerinden: Beýtşeýan
galalary bilen, Tagnak galalary bilen,
Megido galalary bilen, Dor galalary
bilen. Şu galalarda Ysraýylyň ogly Ýu-
subyň ogullary mesgen tutdular.

### *Aşeriň nesilleri*

[30]Aşeriň ogullary: Ýimna, Ýişwa,
Ýişwi we Beriga; Sera bularyň aýal
doganydy.
[31]Beriganyň ogullary: Heber bi-
len Malkyýel; Malkyýel Birzaýytyň
kakasydy.
[32]Heberden Ýaplet, Şomer, Hotam
hem-de olaryň aýal dogany Şuga doguldy.
[33]Ýapletiň ogullary: Pasak, Bimhal
we Aşwat. Bular Ýapletiň ogullarydyr.
[34]Şemeriň ogullary: Ahy, Rohaga,
Huba we Aram.
[35]Şemeriň dogany Helemiň [b] ogullary:
Sopa, Ýymna, Şeleş we Amal.
[36]Sopanyň ogullary: Suwa, Harne-
per, Şugal, Beri, Ýymra, [37]Beser, Hot,
Şamma, Şilşa, Ýytran we Beýera. [38]Ýe-
teriň ogullary: Ýepunne, Pispa we Ara.
[39]Ulanyň ogullary: Ara, Hannyýel
we Risýa.
[40]Şularyň hemmesi Aşeriň nesilleridi,
kowumbaşylardyr, saýlama batyr ýigitler
hem-de begleriň begidir. Olaryň nesil
daragtyna görä urşa ukyply ýigrimi alty
müň adamy bardy.

## 8-nji bap

### *Benýaminiň nesilleri*

[1]Benýaminiň bäş ogly bardy. Nowbahar
ogly Bala, ikinjisi Aşbel, üçünjisi Aha-
ra, [2]dördünjisi Noha, bäşinjisi Rapady.
[3]Balanyň ogullary: Adar, Gera, Aby-
hut, [4]Abyşuwa, Nagaman, Ahowa,
[5]Gera, Şefufan we Huram.
[6-7]Ehudyň nesilleri Nagaman, Ahyýa
we Gerady. Olar Geba halkynyň ko-
wumbaşylarydy. Olar kowlup çykarylyp,
Manahata ýesir edilip äkidildiler. Uza
bilen Ahyhudyň kakasy Gera bulary
göçüripdi.
[8]Şaharaýym öz aýallary Huşym bi-
len Bagarana talagyny bereninden soň,
Mowap ýurdunda onuň birnäçe ogly
boldy. [9]Onuň aýaly Hodeşden bolan
ogullary şulardyr: Ýobap, Sibýa, Meşa,
Malkam, [10]Ýegus, Sakýa we Mirma.
Olar kowumbaşydylar.
[11]Şaharaýymyň Huşymdan Abytup
hem-de Elpagal diýen ogullary boldy.
[12]Elpagalyň ogullary: Eber, Mişgam,
Onony hem-de galalary bilen bile Lody
guran Şemet, [13]Beriga, Şema – bu ikisi
Aýalonyň ilatynyň kowumbaşylarydylar;
olar Gatyň ilatyny kowup çykardylar;

[a] **7:23** ***Beriga… betbagtçylyk*** – ýewreýçe *Beriga* we *betbagtçylyk* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **7:35** ***Helem*** – bu Hotamyň beýleki ady bolmagy mümkindir. Seret: 1ÝÝ 7:32.

[14]Beriganyň ogullary şulardyr: Ahýo,
Şaşak we Ýeremot, [15]Zebadýa, Arat,
Eder, [16]Mikaýyl, Ýyşpa we Ýoha – bular
Beriganyň ogullarydyr.

[17]Zebadýa, Meşullam, Hizki, Heber,
[18]Ýişmeraý, Ýizliýa we Ýobap – bular
Elpagalyň ogullarydyr.

[19]Ýakym, Zikri, Zabdy, [20]Eligenaý,
Silletaý, Eliýel, [21]Adaýa, Beraýa we
Şimrat – bular Şimginiň ogullarydyr.

[22]Ýişpan, Eber, Eliýel, [23]Abdon, Zikri,
Hanan, [24]Hananýa, Eýlam, Antotyýa,
[25]Ýipdeýa we Penuwal – bular Şaşagyň
ogullarydyr.

[26]Şamşeraý, Şeharýa, Atalýa, [27]Ýaga-
reşýa, Eliýa we Zikri – bular Ýerohamyň
ogullarydyr.

[28]Bular nesil daragtyna görä kowum-
başylardyr. Olar Iýerusalimde ýaşadylar.

### *Şawul patyşanyň nesilleri*

[29]Gibgony esaslandyran adam şol gala-
da ýaşady; onuň aýalynyň ady Magakady.
[30]Abdon olaryň nowbahar ogludy, onsoň
Sur, Kiş, Bagal, Ner, Nadap, [31]Gedor,
Ahýo, Zeker we Miklotdy. [32]Miklot
Şimganyň kakasydy. Olar hem öz ga-
ryndaşlarynyň ýanynda – Iýerusalimde
ýaşadylar.

[33]Nerden Kiş, Kişden Şawul, Şawul-
dan Ýonatan, Malkyşuwa, Abynadap
we Eşbagal [a] doguldy.

[34]Ýonatandan Meribagal [b], Meribagal-
dan Mika doguldy. [35]Mikanyň ogullary:
Piton, Melek, Taryýa we Ahaz.

[36]Ahazdan Ýehogada, Ýehogadadan
Alemet, Azmawet, Zimri, Zimriden
Mosa doguldy. [37]Mosadan Binega, Bine-
gadan Rapa, Rapadan Elgasa, Elgasadan
Asel doguldy.

[38]Aseliň Azrykam, Bokeru, Ysmaýyl,
Şegarýa, Abadýa we Hanan atly alty
ogly bardy. Şularyň hemmesi Aseliň
ogullarydyr. [39]Onuň dogany Ýeşugyň
ogullary: nowbahar ogly Ulam, ikin-
jisi Ýeguş, üçünjisi Elipelet. [40]Ulamyň
ogullary batyr ýigitler we ýaýçylardy;
olaryň çagalarydyr agtyklary köpdi.
Olaryň jemi bir ýüz ellidi.

Şularyň hemmesi benýaminlerdir.

## 9-njy bap

### *Ýesirlikden gaýdyp gelenler*

[1]Ysraýyllaryň hemmesi öz nesil da-
ragtyna görä hasaba alnyp, olar Ysraýyl
patyşalarynyň kitabyna ýazyldy.

Ýahudalar Rebbe biwepalyk edendikleri
üçin Babyla sürgün edildi. [2]Käbir ysraýyl-
lar ilkinji bolup, galalardaky öz mülklerine
ruhanylar, lewiler hem-de ybadathana
hyzmatkärleri bilen dolanyp geldiler.

[3]Ýahuda, benýamin, efraýym hem-de
manaşa tirelerinden Iýerusalimde täze-
den ornaşanlary şulardyr:

[4]Ýahudanyň ogly Peresiň neslinden:
Banynyň ýuwlugy, Imriniň çowlugy,
Omrynyň agtygy, Emihudyň ogly Utaý.

[5]Şilon urugyndan: nowbahar ogly
Asaýa hem-de onuň ogullary.

[6]Zeranyň neslinden: Ýeguwel hem-de
onuň garyndaşlary – jemi ýahuda tire-
sinden alty ýüz togsan adam.

[7]Benýaminiň neslinden: Hasenuwanyň
çowlugy, Hodawýanyň agtygy, Meşul-
lamyň ogly Sallu; [8]Ýerohamyň ogly
Ýibneýa; Mikriniň agtygy, Uzynyň ogly
Ela; Ýibniýanyň çowlugy, Reguwalyň
agtygy, Şepatýanyň ogly Meşullam.
[9]Benýaminler nesil daragtyna görä

---

[a] **8:33** ***Eşbagal*** – bu at 2Şam 2:8-de *Yşboşet* diýip duş gelýär.
[b] **8:34** ***Meribagal*** – bu at 2Şam 4:4-de *Mepiboşet* diýip duş gelýär.

dokuz ýüz elli alty adamdy. Ýokarda ady
agzalanlaryň hemmesi kowumbaşylardy.

### *Iýerusalime dolanyp gelen ruhanylar*

10 Dolanyp gelen ruhanylardan: Ýedaýa,
Ýehoýaryp, Ýakin, 11 Ahytubyň gowlugy,
Meraýotyň ýuwlugy, Sadogyň çowlugy,
Meşullamyň agtygy, Hilkiýanyň ogly,
Hudaýyň öýüniň ýolbaşçysy Azarýa;
12 Malkyýanyň çowlugy, Paşhuryň agtygy,
Ýerohamyň ogly Adaýa; Immeriň gowlu-
gy, Meşillemitiň ýuwlugy, Meşullamyň
çowlugy, Ýahzeranyň agtygy, Adyýeliň
ogly Magsaý. 13 Ruhanylaryň sany bir müň
ýedi ýüz altmyşdy. Olar kowumbaşylar-
dy we ukyply adamlardy. Olar Hudaýyň
öýünde hyzmat etmäge jogapkärdi.

### *Iýerusalimdäki lewiler*

14 Lewilerden: Merary urugyndan Ha-
şabýanyň çowlugy, Azrykamyň agtygy,
Haşubyň ogly Şemagýa; 15 Bakbakar, He-
reş, Galal; Asafyň çowlugy, Zikriniň
agtygy, Mikanyň ogly Matanýa; 16 Elkana-
nyň geňligi, Asanyň gowlugy, Berekýanyň
ýuwlugy, Ýedutunyň çowlugy, Galalyň
agtygy, Şemagýanyň ogly Abadýa. Ol
netopalylaryň obalarynda ýaşady.

### *Iýerusalimdäki ybadathana derwezebanlary*

17 Derwezebanlar şulardyr: Şallum,
Akup, Talmon, Ahyman we olaryň ga-
ryndaşlary. Şallum olaryň baştutanydy.
18 Bular öň şa derwezesiniň gündogar
tarapynda goýlupdylar. Olar lewileriň
düşelge derwezebanlarydylar. 19 Kora
urugyndan bolan Ebiýasabyň [a] agtygy,
Koreniň ogly Şallum we onuň kowumda-
şy koralar hem ata-babalarynyň Rebbiň
mesgenine derwezebançylyk edişleri
ýaly, Rebbiň mukaddes çadyryna der-
wezebançylyk etdiler. 20 Öň Elgazaryň
ogly Pinehas olaryň ýolbaşçysy bolupdy.
Reb onuň bilen boldy. 21 Meşelemýa-
nyň ogly Zakarýa Rebbe ýüz tutulýan
çadyryň agzynda derwezebandy. 22 Der-
wezebanlyga bellenenleriň hemmesi iki
ýüz on iki adamdyr. Olar öz obalarynda
nesil daragtyna görä hasaba alyndylar.
Olary Dawut bilen görgür Şamuwel
jogapkärli wezipä belledi. 23 Şular we
olaryň nesilleri Rebbiň öýüniň, ýagny
çadyryň derwezebanlarydylar. 24 Derwe-
zebanlar dört tarapdaky: gündogardaky,
günbatardaky, demirgazykdaky hem-de
günortadaky derwezeleri saklaýardylar.
25 Olaryň obalarynda ýaşaýan doganlary
nobatma-nobat her ýedi günden olary
görmäge gelmelidiler. 26 Çünki lewi-
lerden bolan dört ýolbaşçy derwezeban
Hudaýyň öýüniň otaglarynyň hem-de
hazynalarynyň hem ýolbaşçysydylar.
27 Olar gijesine-de Hudaýyň öýüniň go-
laýynda bolardylar. Çünki ybadathana
gözegçilik etmek hem-de her gün irden
ony açmak olaryň borjudy.

### *Beýleki lewiler*

28 Lewileriň käbirleri hyzmat üçin goý-
lan enjamlara seredərdiler, sebäbi olary
sanap äkidip, sanabam getirmelidiler.
29 Olaryň käbirleri beýleki esbaplara,
mukaddes enjamlara, saýlama una, şe-
raba, ýaga, ýakymly ysly tütetgä hem-de
hoşboý ysly zatlara gözegçilik edýärdiler.
30 Ruhany ogullarynyň käbirleri hoşboý
ysly zatlary taýýarlaýardylar. 31 Süýjüli
kökeleri bişirmeklik Kora neslinden
bolan Şallumyň nowbahar ogly lewi
Matytýa tabşyryldy. 32 Kohat neslinden
bolan garyndaşlarynyň käbirine Sabat

[a] **9:19** ***Ebiýasap*** – bu at Msr 6:24-de *Abyýasap* diýip duş gelýär.

güni üçin hödür çöregi taýýarlamagy
tabşyryldy.
33 Lewileriň urugbaşylary bolan aý-
dymçylar ybadathananyň otaglarynda
ýaşaýardylar. Olar başga hyzmatlar-
dan azatdylar, sebäbi olar gije-gündiz
hyzmatdadylar. 34 Nesil daragtyna görä
lewileriň urugbaşylary şulardylar. Olar
Iýerusalimde ýaşadylar.

### *Şawul patyşanyň ata-babalary we nesilleri*

35 Gibgonyň kakasy Ýegiýel Gibgon
galasynda ýaşaýardy; onuň aýalynyň
ady Magakady. 36 Onuň nowbahar ogly
Abdon, soňkulary: Sur, Kiş, Bagal, Ner,
Nadap, 37 Gedor, Ahýo, Zakarýa we Mik-
lot. 38 Miklotdan Şimeýam doguldy. Olar
hem garyndaşlarynyň ýanynda Iýerusa-
limde ýaşadylar. 39 Nerden Kiş, Kişden
Şawul, Şawuldan Ýonatan, Malkyşuwa,
Abynadap we Eşbagal doguldy. 40 Ýona-
tandan Meribagal, Meribagaldan Mika
doguldy. 41 Mikanyň ogullary: Piton,
Melek, Tahreýa we Ahaz. 42 Ahazdan
Ýagra[a], Ýagradan Alemet, Azmawet
we Zimri. Zimriden Mosa doguldy.
43 Mosadan Binega, Binegadan Repa-
ýa, Repaýadan Elgasa, Elgasadan Asel
doguldy. 44 Aseliň alty ogly bolup, ola-
ryň atlary: Azrykam, Bokeru, Ysmaýyl,
Şegarýa, Abadýa we Hanandy. Şular
Aseliň ogullarydy.

## 10-njy bap

### *Şawul patyşanyň ölümi*
*(1 Şamuwel 31:1-13)*

1 Piliştliler Ysraýylyň garşysyna söweş
etdi. Ysraýyllar piliştlilerden gaçyp, Gil-
bowa dagynda köpüsi gyryldy. 2 Piliştliler
Şawulyň we onuň ogullary Ýonatanyň,
Abynadabyň hem-de Malkyşuwanyň
yzyndan kowup ýetip, onuň ogullaryny
öldürdiler. 3 Şawula garşy söweş güýç-
lendi, ýaýçylar ony tapdylar we agyr
ýaraladylar. 4 Şawul ýaragçy nökerine
şeýle diýdi: «Gylyjyňy al-da, meni öldür;
sünnetsizleriň elinden ölüp, olara göz
bolmaýyn» diýdi. Emma onuň ýarag-
çy nökeri juda gorkdy we beýle etmek
islemedi. Şoňa görä, Şawul öz gylyjy-
ny aldy-da, onuň üstüne özüni oklady.
5 Şawulyň ölendigini gören ýaragçy nö-
keri-de öz gylyjynyň üstüne özüni oklap
öldi. 6 Şeýdip, Şawul, onuň üç ogly – tu-
tuş maşgala bir günde öldi. 7 Deredäki
ähli ysraýyllar goşunyň gaçandygyny,
Şawulyň we onuň ogullarynyň ölendi-
gini görüp, öz galalaryny taşlap gaçdylar.
Piliştliler gelip, galalary eýelediler. 8 Er-
tesi gün piliştliler öldürilenleri talamak
üçin gelenlerinde, Gilbowa dagynda
Şawul bilen onuň ogullarynyň jesedini
tapdylar. 9 Olar Şawulyň kellesini kesip,
ýaragyny aldylar we buthanalaryna hem-
de halkyna habar bermek üçin, tutuş
piliştlileriň ýurduna çaparlar gönderdiler.
10 Şawulyň ýaragyny öz buthanalaryn-
da goýdular, kellesini bolsa Dagonyň
buthanasyndan asdylar. 11 Piliştlileriň
Şawula edenlerini Gilgatdaky Ýabeşiň
ilaty eşidende, 12 onuň gaýduwsyz adam-
larynyň ählisi aýaga galdy. Olar Şawul
bilen onuň ogullarynyň jesedini alyp,
Ýabeşe getirdiler. Olar bularyň süňkle-
rini Ýabeşdäki dub agajynyň astynda
jaýlap, ýedi günläp agyz beklediler.
13 Şeýdip, Şawul Hudaýa biwepalyk
edendigi üçin öldi. Ol Rebbiň buýrugyny
berjaý etmänliginden ötri, jadygöý-
den maslahat sorapdy. 14 Ol Rebden

[a] **9:42** ***Ýagra*** – bu at 8:36-da *Ýehogada* diýip duş gelýär.

soramandy. Şonuň üçin hem Reb ony
öldürdip, patyşalygyny Ýyşaýyň ogly
Dawuda berdi.

### 11-nji bap

***Dawut Ysraýyla hem-de Ýahuda patyşa bolýar***
*(2 Şamuwel 5:1-10)*

1 Ähli ysraýyllar Hebrondaky Dawu-
dyň daşyna ýygnanyp, oňa şeýle diýdiler:
«Biz seniň öz süýegiňden, öz teniňdendi-
ris. 2 Öňlerem – Şawul patyşamyzka-da
sen ysraýyl goşunyna serkerdediň. Huda-
ýyň Reb saňa: „Meniň halkym Ysraýylyň
çopany sen bolarsyň, halkym Ysraýyla
sen hökümdarlyk edersiň“ diýipdi» diý-
diler. 3 Şeýdip, Ysraýylyň ähli ýaşululary
Hebrona Dawudyň ýanyna geldiler. Şol
ýerde Rebbiň huzurynda Dawut olar
bilen äht edişdi. Ysraýylyň ýaşululary
Rebbiň Şamuweliň üsti bilen aýdan sö-
züne laýyklykda, Dawudyň başyna ýag
guýup, ony Ysraýyla patyşa bellediler.
4 Dawut we tutuş Ysraýyl Iýerusalime,
ýagny Ýabusa – ýabuslylaryň mekanyna
ýöriş etdiler. 5 Ýabusyň ilaty Dawuda:
«Sen bu ýere girip bilmersiň» diýdiler.
Emma Dawut Sion galasyny basyp aldy.
Ol häzir «Dawut galasy» diýlip atlandy-
rylýar. 6 Dawut: «Ýabuslylara kim öňürti
zarba ursa, şol goşun serkerdesi bolar»
diýdi. Seruýanyň ogly Ýowap öňürti zar-
ba urup, goşun serkerdesi boldy. 7 Dawut
galada mesgen tutdy. Şonuň üçin hem
ony «Dawut galasy» diýip atlandyrdy-
lar. 8 Ol Millodan[a] başlap, galanyň tutuş
töweregini täzeden gurdy. Ýowap bolsa
galanyň galan bölegini bejerdi. 9 Dawut
gitdigisaýy güýçlenýärdi, çünki Hök-
mürowan Reb onuň bilendi.

***Dawudyň batyr ýigitleri***
*(2 Şamuwel 23:8-39)*

10 Rebbiň Ysraýyl babatdaky sözi
boýunça, Dawudyň batyr ýigitleriniň
baştutanlary we tutuş ysraýyl halky
onuň höküm sürmegini berk goldady-
lar. 11 Dawudyň batyr ýigitleri şulardy:
Hakmonynyň ogly Ýaşobgam. Ol ser-
darlaryň baştutanydy. Ol naýzasy bilen
bir wagtyň özünde üç ýüz adamy öldürdi.
12 Ondan soňra üç batyr ýigidiň biri aho-
wa urugyndan Dodonyň ogly Elgazardyr.
13 Piliştliler Pasdammymda söweşmek
üçin toplanyşanlarynda, ol hem şol ýer-
de Dawudyň ýanyndady. Ol ýerde arpa
ekilen bir bölek ýer bardy. Halk piliştli-
lerden gaçdy, 14 ýöne Elgazar bilen Dawut
meýdançanyň ortarasynda durup, şol
ýeri goradylar we piliştlileri gyrdylar.
Reb olary uly ýeňiş bilen halas etdi.
15 Otuz serdaryň üçüsi Dawudyň ýa-
nyna, gaýadaky Adullam gowagyna
gitdi. Piliştlileriň goşuny bolsa Rapa
jülgesinde düşläpdi. 16 Dawut şol wagt
galadady. Piliştlileriň goşun bölümi
bolsa Beýtullahamdady. 17 Dawut arman
edip: «Beýtullahamyň derwezesiniň
ýanyndaky guýudan suw getirip beren
bolsady, şondan bir içsemdim» diýdi.
18 Şonda üç batyr ýigit piliştlileriň düşel-
gesini böwsüp geçdi-de, Beýtullahamyň
derwezesiniň ýanyndaky guýudan suw
alyp, ony Dawuda getirip berdiler. Em-
ma Dawut suwdan içmedi, ol ony Reb
üçin ýere dökdi. 19 Ol: «Meni beýtmek-
den sakla, ýa Hudaýym! Ýüregine daş
baglap giden adamlaryň ganyny, heý-de,
men içip bilerinmi?» diýip, suwdan iç-
mek islemedi. Bu üç batyr ýigit şeýle
edermenlikler görkezipdi. 20 Abyşaý üç

[a] **11:8** ***Millo*** – toprak bilen doldurylan jaýryk ýa-da boşluk ýer bolmagy ahmal. Sözlüge seret.

batyr ýigidiň baştutanydy, ol Ýowabyň
doganydy. Ol öz naýzasy bilen üç ýüz
adamy öldürip, üç batyr ýigit ýaly meş-
hur boldy. 21 Ol üç batyr ýigitden iki esse
artyk hormatlandy. Abyşaý ýigitleriň biri
bolmadyk-da bolsa, olara baştutan boldy.

22 Ýehoýadanyň ogly Benaýa uly eder-
menlikler görkezen kabseýelli batyr
ýigitdir. Ol mowaply arslan ýürekli iki
edermen urşujyny öldürdi; şeýle hem ol
garly gün çukuryň içinde bir ýolbarsy
öldürdi. 23 Ol boýy bäş tirsek bolan mü-
sürlini öldürdi. Müsürliniň elinde dokma
agajy ýaly naýzasy bardy. Benaýa onuň
üstüne taýakly topulyp, elindäki naýza-
syny alyp, öz naýzasy bilen onuň özüni
öldürdi. 24 Ýehoýadanyň ogly Benaýa,
ine, şeýle işleri edip, ol hem üç batyr
ýigit ýaly meşhur boldy. 25 Ol otuz ser-
daryň arasynda iň meşhurydy, ýöne üç
batyr ýigidiň biri däldi. Dawut ony öz
janpenalarynyň baştutany edip goýdy.

26 Goşunlaryň batyr ýigitleri şulardy:
Ýowabyň dogany Asahel, beýtullahamly
Dodonyň ogly Elhanan, 27 harotly Şam-
mot, pelonly Heles, 28 tekowaly Ikeşiň
ogly Yra, anatotly Abygezer, 29 huşaly
Sibekaý, Ahowanyň nesli Ylaý, 30 neto-
paly Maharaý, netopaly Bagananyň ogly
Helet, 31 benýaminlerden gibgaly Ribaýyň
ogly Ytaý, pirgatonly Benaýa, 32 Gagaş
jülgelerinden Huraý, arbaly Abyýel, 33 ba-
hurymly Azmawet, şagalbynly Elýahba,
34 gizonly Haşem, hararly Şageniň ogly
Ýonatan, 35 hararly Sakaryň ogly Ahy-
ýam, Uruň ogly Elipal, 36 mekeraly Heper,
pelonly Ahyýa, 37 karmelli Hesro, Ez-
baýyň ogly Nagaraý, 38 Natanyň dogany
Ýowel, Hagrynyň ogly Mibhar, 39 ammon
halkyndan Selek, Seruýanyň ogly Ýo-
wabyň ýaragçy nökeri beýerotly Nahraý,
40 ýytra urugyndan Yra we Garep, 41 het
halkyndan Uryýa, Ahlaýyň ogly Zabat,
42 rubenleriň baştutany, rubenlerden bolan
Şizanyň ogly Adyna we onuň otuz ýigidi,
43 Magakanyň ogly Hanan, mitanly Ýoşa-
pat, 44 aştarotly Uzyýa, arogerli Hotamyň
ogullary Şama we Ýegiýel, 45 Şimriniň
ogly Ýedigaýel, onuň dogany tisli Ýoha,
46 mahawaly Eliýel, Elnagamyň ogullary
Ýeribaý bilen Ýoşawýa, mowaply Ýytma,
47 Eliýel, Obet, mesobaly Ýagsyýel.

## 12-nji bap

### *Dawudyň benýamin tiresinden bolan tarapdarlary*

1 Bular Dawut Ziklagda Kişiň ogly
Şawuldan gaçyp ýörkä, onuň ýanyna ge-
lenler we oňa uruşda ýardam eden batyr
ýigitlerdir. 2 Benýaminlerden, Şawulyň
kowumyndan bolan bular peýkam atyp,
hem sag, hem çep elleri bilen daş, ýaý
bilen ok atyp bilýän adamlardy. 3 Olaryň
baştutany Ahygezer, ondan soň Ýowaş,
şeýle hem gibgaly Şemaganyň iki ogly,
Azmawediň ogullary Ýeziýel bilen Pelet,
Beraka, anatotly Ýehu, 4 otuz serdaryň ara-
synda bir batyr ýigit we olaryň baştutany
gibgonly Ýyşmagýa, Ýermeýa, Ýahazy-
ýal, Ýohanan, gederaly Ýozabat, 5 Elguzaý,
Ýerimot, Begalýa, Şemarýa, haruply Şe-
patýa, 6 Koranyň neslinden Elkana, Ýişiýa,
Azarel, Ýogezer, Ýaşobgam, 7 gedorly Ýe-
rohamyň ogullary Ýogela bilen Zebadýa.

### *Dawudyň gatlardan bolan tarapdarlary*

8 Gatlardan galkana hem naýza türgen
bolan batyr ýigitler çöldäki galada bolan
Dawudyň tarapyna geçdiler. Olar arslan
sypatdadylar, dag jereni kimin ýyldam-
dylar. Ine, olar: 9 Ezer – baştutan, ikinjisi
Abadýa, üçünjisi Eliýap, 10 dördünjisi
Mişmanna, bäşinjisi Ýermeýa, 11 altyn-
jysy Ataý, ýedinjisi Eliýel, 12 sekizinjisi

Ýohanan, dokuzynjysy Elzabat, [13] onun-
jysy Ýermeýa, on birinjisi Makbanaýdy.
[14] Bular gatlardan bolan harby baştutan-
lardylar; olaryň iň ejizi ýüze, iň güýçlüsi
müňe taýdy. [15] Birinji aýda Iordan derýa-
sy joşup, kenarlaryndan aganda, ondan
geçenler we jülgelerdäkileriň ählisini
gündogardyr günbatara kowup çyka-
ranlar şulardy.

### *Dawudyň benýaminlerden we ýahudalardan bolan tarapdarlary*

[16] Benýaminler bilen ýahudalaryň kä-
birleri Dawudyň ýanyna gala geldiler.
[17] Dawut olaryň öňünden çykyp, şeýle
diýdi: «Eger meniň ýanyma ýagşy niýet,
kömek etmek maksady bilen gelen bol-
saňyz, onda ornuňyz ýüregimiň töründe,
ýöne zorluk etmedik halymda meni duş-
manlaryma satmak üçin gelen bolsaňyz
welin, muny ata-babalarymyzyň Hudaýy
görüp, siziň jezaňyzy bersin». [18] Soňra
Hudaýyň Ruhy otuz ýigidiň baştutany
Omasaýyň üstüne inip, ol şeýle diýdi:

«Biz seniňki, eý Dawut!
Biz seň bilen, eý Ýyşaýyň ogly!
Başyň aman bolsun, başyň aman
bolsun!
Saňa ýardam edýäniň hem başy
aman bolsun!
Hudaýyň saňa ýardam edýändyr!».

Onsoň Dawut olary kabul edip, öz go-
şunbaşylary edip belledi.

### *Dawudyň manaşalardan bolan tarapdarlary*

[19] Dawut piliştliler bilen bile Şawulyň
garşysyna uruşmak üçin gelende, ma-
naşalardan käbiri onuň tarapyna geçdi.
Ýöne Dawut piliştlilere kömek etmedi,
sebäbi pilişt baştutanlary özara masla-
hatlaşyp: «Dawut öz jenaby Şawulyň
tarapyna geçip, bizi satar» diýip, ony
yzyna ugratdylar. [20] Dawut Ziklaga gaý-
danda, manaşalaryň müňbaşylary bolan
Adna, Ýozabat, Ýedigaýel, Mikaýyl,
Ýozabat, Elihu we Silletaý dagy onuň
tarapyna geçdiler. [21] Bularyň hemmesi
batyr ýigitlerdir goşun baştutanlary
bolup, olar Dawuda alamançylaryň to-
parlaryna garşy söweşde kömek etdiler.
[22] Hakykatdanam, Dawuda goşulýan
adamlaryň sany günsaýyn artyp, san
taýdan Hudaýyň goşuny kimin boldy.

### *Dawudyň goşuny Hebronda*

[23] Rebbiň sözüne görä, Şawulyň pa-
tyşalygyny Dawuda bermek üçin onuň
ýanyna Hebrona gelen ýaragly goşunlar,
ine, şulardyr: [24] ýahudalardan galkan
hem naýza göterip, ýaraglanan alty müň
sekiz ýüz adam; [25] şimgonlardan ýedi
müň bir ýüz sany batyr ýigit; [26] lewiler-
den dört müň alty ýüz adam; [27] olaryň
arasynda Harunyň nesliniň baştutany
Ýehoýada we onuň bilen bile üç müň
ýedi ýüz adam; [28] ýaş batyr ýigit Sadok
we onuň neslinden ýigrimi iki sany
harby baştutan; [29] Şawulyň kowumla-
ryndan bolan benýaminlerden üç müň
adam. Bularyň köpüsi owal Şawulyň
nesillerine wepaly bolupdylar. [30] Efra-
ýymlardan öz uruglarynyň arasynda
meşhur bolan ýigrimi müň sekiz ýüz
batyr ýigit; [31] günbatardaky manaşa ti-
resinden gelip, Dawudy patyşa etmek
üçin ýörite bellenen on sekiz müň adam,
[32] ysakarlardan döwre görä Ysraýylyň nä-
me etmelidigini bilýän iki ýüz baştutan;
olaryň baştutanlygy astynda bolan ähli
garyndaşlary. [33] Zebulunlardan taplanan,
ähli söweş enjamlary bilen ýaraglanan,
Dawuda kömek etmekde maksada ok-
gunly elli müň esger; [34] naftalylardan
galkan hem naýza bilen ýaraglanan otuz
ýedi müň esgerli müň harby baştutan;

[35]danlardan ýaraglanan ýigrimi sekiz
müň alty ýüz esger; [36]aşerlerden sö-
weşe taýýar, taplanan kyrk müň esger;
[37]Iordanyň aňyrsyndaky rubenlerden,
gatlardan hem-de gündogardaky manaşa
tiresinden ähli söweş enjamlary bilen
ýaraglanan bir ýüz ýigrimi müň esger.

[38]Bu esgerleriň hemmesi Dawudy
Ysraýyla patyşa etmek üçin çyn ýü-
rekden söweş nyzamy bilen Hebrona
geldiler. Ysraýylyň galanlary-da bir ýü-
rekden Dawudyň patyşa bolmagynyň
tarapyndady. [39]Olar üç gün Dawudyň
ýanynda boldular; iýip-içdiler, çünki
doganlary olar üçin taýýarlyk görüpdiler.
[40]Ol ýeriň golaýynda ýaşaýanlar zebu-
lun, naftaly, ysakar tireleriniň çäklerine
çenli eşeklerdir düýelere, gatyrlardyr
öküzlere ýükläp, köp mukdarda un, in-
jir kökeleri, kişmiş, şerap, ýag, öküz
hem goýun getirdiler, çünki Ysraýylda
şatlyk-şagalaňdy.

## 13-nji bap

### *Äht sandygy Kirýatýegarymdan getirilýär*

*(2 Şamuwel 6:1-11)*

[1]Dawut müňbaşylardyr ýüzbaşylar
we her bir baştutan bilen geňeşdi. [2]Ol
tutuş Ysraýyl jemagatyna şeýle diýdi:
«Eger makul bilseňiz, eger Hudaýy-
myz Reb halasa, geliň, öri meýdanly
galalardaky ruhanylardyr lewiler bi-
len bilelikde, tutuş Ysraýyldaky ähli
dogan-garyndaşlarymyzy adam iberip,
öz ýanymyza ýygnalyň. [3]Soň Hudaýy-
myzyň Äht sandygyny getireliň. Çünki
Şawulyň günlerinde biz ony idemedik».
[4]Bu jemagatyň göwnünden turansoň,
tutuş halk muňa razy boldy.
[5]Şeýdip, Dawut Hudaýyň sandygy-
ny Kirýatýegarymdan getirmek üçin,
Müsüriň çägindäki Şihor deryasy bilen
Lebohamat aralygyndaky ähli ysraýylla-
ry ýygnady. [6]Dawut tutuş Ysraýyl bilen
bile keruplaryň üstünde tagt gurup otu-
ran Beýik Hudaýyň sandygyny, Onuň ady
dakylan sandygy getirmek üçin Ýahu-
dadaky Bagala, ýagny Kirýatýegaryma
gitdi. [7]Olar Hudaýyň sandygyny Aby-
nadabyň öýünden çykaryp, täze arabada
goýdular. Arabany Uza bilen Ahýo alyp
barýardy. [8]Dawut hem-de ähli ysraýyllar
Hudaýyň huzurynda lira, arfa, deprek,
kimwal hem-de surnaý çalyp, joşup aý-
dym aýdýardylar we tans edýärdiler.

[9]Olar Kidonyň harmanyna gelenle-
rinde, öküzler büdrediler; Uza sandygy
tutjak bolup, elini onuň üstünde goýdy.
[10]Uza garşy Rebbiň gahary geldi. Reb
ony öldürdi, sebäbi ol sandyga elini
degripdi. Uza şol ýerde – Hudaýyň hu-
zurynda jan berdi. [11]Rebbiň Uza zarba
urandygyna Dawudyň gahary geldi.
Ol ýer şu güne çenli Peres Uza[a] diýlip
atlandyrylýar. [12]Dawut şol gün Reb-
den gorkup: «Men Hudaýyň sandygyny
nädip ýanyma getirip bilerin?» diýdi.
[13]Şeýlelikde, Dawut Hudaýyň sandygyny
öz ýanyna Dawut galasyna getirmedi.
Ol sandygy gatly Obededomyň öýün-
de goýdy. [14]Hudaýyň sandygy üç aý
Obededomyň hojalygynda galdy. Reb
Obededomyň hojalygyna we onuň ähli
zatlaryna bereket berdi.

## 14-nji bap

### *Dawut Iýerusalimde ornaşýar*

[1]Sur patyşasy Huram Dawudyň ýa-
nyna çaparlar bilen kedr agaçlaryny,

[a] **13:11** ***Peres Uza*** – bu söz *Uza garşy gazap* diýmegi aňladýar.

kerpiç örüjileri hem agaç ussalaryny
iberdi. Olar Dawut üçin köşk gurdular.
2 Şeýlelikde, Dawut özüni Rebbiň Ys-
raýylyň patyşasy hökmünde berkarar
edendigine hem-de Öz halky Ysraýylyň
hatyrasyna onuň patyşalygyny beýgel-
dendigine göz ýetirdi.

3 Dawut Iýerusalimde birnäçe aýallar
aldy we ondan ençeme ogul-gyz dünýä
indi. 4 Dawudyň Iýerusalimde doglan ça-
galary, ine, şulardyr: Şammuwa, Şobap,
Natan; Süleýman, 5 Ýybhar, Elişuwa,
Elipelet; 6 Noga, Nepek, Ýapyýa; 7 Eli-
şama, Begelýada[a] we Elipelet.

### *Piliştlileriň ýeňlişi*
*(2 Şamuwel 5:17-25)*

8 Dawudyň tutuş Ysraýyla patyşalyga
bellenilendigini eşidende, ähli piliştliler
aýaga galyp, onuň gözlegine çykdylar.
Dawut muny eşidip, olaryň garşysyna
çykdy. 9 Piliştliler gelip, Rapa jülgesine
çozupdylar. 10 «Men piliştlileriň gar-
şysyna çykaýynmy? Sen olary meniň
elime berermiň?» diýip, Dawut Hudaýa
ýüz tutdy. Reb oňa: «Bar, olary seniň
eliňe berjekdirin» diýdi. 11 Şeýlelikde,
Dawut Bagalperasyma gidip, olary şol
ýerde derbi-dagyn etdi. Dawut: «Sil
bentleriniň böwsülişi kimin, Hudaý-da
duşmanlaryma meniň elim bilen zarba
urdy» diýdi. Şol sebäpden hem bu ýere
Bagalperasym[b] diýen at dakyldy. 12 Pi-
liştliler butlaryny taşlap gitdiler; butlar
Dawudyň buýrugy bilen ýakyldy.

13 Piliştliler şol jülgä ýene çozdular.
14 Dawut ýene Hudaýa ýüz tutanda, Ol
şeýle diýdi: «Olaryň öňünden çykma.
Olaryň daşyndan aýlan-da, balzam agaç-
lary tarapdan gelip, olaryň ýeňsesinden
ur. 15 Balzam agaçlarynyň başlaryndan
aýak seslerini eşideniňde, hüjüme geç,
sebäbi bu piliştlileriň goşunyny derbi-da-
gyn etmek üçin, Men – Hudaýyň seniň
öňüňe düşdügidir». 16 Dawut Hudaýyň
buýruşy ýaly etdi. Ol Gibgondan Gezere
çenli bolan aralykda piliştlileri gyrdy.
17 Dawudyň at-abraýy bütin ýurtlara
ýaýrady we Reb ähli milletleri ondan
gorkar ýaly etdi.

## 15-nji bap

### *Hudaýyň sandygyny Iýerusalime getirmeklige taýýarlyk*

1 Dawut özi üçin Dawut galasynda
köşkler gurdurdy. Ol Hudaýyň sandygy
üçin ýer taýýarlap, çadyr dikdi. 2 Soň-
ra Dawut Hudaýyň sandygyny diňe
lewileriň götermelidigi barada buýruk
berdi. Sebäbi Reb Öz sandygyny göter-
mek hem-de Özüne ömürbaky hyzmat
etmek üçin lewileri saýlapdy. 3 Rebbiň
sandygyny onuň üçin taýýarlan ýerine
getirmek üçin, Dawut ähli ysraýyllary
Iýerusalime ýygnady. 4 Soňra ol Haru-
nyň nesillerini hem-de lewileri toplady:
5 Kohadyň kowumyndan ýüz ýigrimi
sany garyndaşy bilen olaryň baştutany
Uryýel; 6 Merarynyň kowumyndan iki
ýüz ýigrimi garyndaşy bilen olaryň baş-
tutany Asaýa; 7 Gerşonyň kowumyndan
ýüz otuz garyndaşy bilen olaryň baştu-
tany Ýowel; 8 Elisapanyň kowumyndan
iki ýüz garyndaşy bilen olaryň baştuta-
ny Şemagýa; 9 Hebronyň kowumyndan
segsen garyndaşy bilen olaryň baştutany
Eliýel; 10 Uzyýeliň kowumyndan ýüz on
iki garyndaşy bilen olaryň baştutany
Eminadap.

---

[a] **14:7** ***Begelýada*** – bu at 3:8-de we 2Şam 5:6-da *Elýada* diýip duş gelýär.

[b] **14:11** ***Bagalperasym*** – bu söz *zarba urýan jenap* diýmegi aňladýar.

[11-12] Dawut ruhanylar Sadok bilen Ab-
ýatary, lewilerden Uryýeli, Asaýany,
Ýoweli, Eliýeli, Şemagýany hem-de
Eminadaby çagyryp, olara şeýle diýdi:
«Siz lewileriň urugbaşylarysyňyz. Ini-
ňizi tämizläň, garyndaşlaryňyz hem
şeýle etsinler. Soňra Ysraýyl Hudaýy
Rebbiň sandygyny onuň üçin taýýarlan
ýerime getiriň. [13] Öňki gezek sandygy
siziň götermändigiňiz we ony bolmalysy
ýaly idemändigimiz sebäpli, Hudaýymyz
Rebbiň bize gahary geldi». [14] Ruhanylar
hem-de lewiler Ysraýyl Hudaýy Rebbiň
sandygyny getirmek üçin inlerini tämiz-
lediler. [15] Lewiler Hudaýyň sandygyny
Rebbiň Musa tabşyryşyna laýyk edip,
syryklaryň üstünde goýup eginlerinde
göterdiler.

[16] Dawut lewileriň baştutanlaryna şat-
lyk-şagalaň etmek üçin, öz doganlarynyň
arasyndan aýdymçylary hem-de arfa,
lira, kimwal ýaly saz gurallaryny çalyp
bilýänleri taýyn etmäge buýruk berdi.
[17] Şeýlelikde, lewiler Ýoweliň ogly Heý-
many, Berekýanyň ogly Asafy, Merary
kowmyndan bolan Kuşaýanyň ogly Eý-
tany sazandalara ýolbaşçy edip bellediler.
[18] Zakarýa, Ýagzyýel, Şemiramot, Ýehi-
ýel, Unny, Eliýap, Benaýa, Magaseýa,
Matytýa, Elipelehu we Mikneýa olara
kömekçi edip bellenildi; Obededom bilen
Ýegiýel bolsa derwezebanlardy. [19] Aý-
dymçylar bolan Heýman, Asaf hem-de
Eýtan dagy bürünç kimwallar, [20] Zakarýa,
Azyýel, Şemiramot, Ýehiýel, Unny, Eli-
ýap, Magaseýa, Benaýa dagy alamot[a]
äheňinde arfa çalmalydylar. [21] Matytýa,
Elipelehu, Mikneýa, Obededom, Ýegiýel
hem-de Azazýa dagy bolsa şeminit[b] ähe-
ňinde lirada sazy dowam etdirmelidiler.
[22] Lewi sazandalarynyň ýolbaşçysy Ke-
nanýa saza baştutanlyk etmelidi, çünki
ol saza ussatdy. [23] Berekýa bilen Elkana
sandyk üçin bellenen derwezebanlardy.
[24] Şebanýa, Ýoşapat, Netanel, Omasaý,
Zakarýa, Benaýa, Eligezer hem-de ru-
hanylar Hudaýyň sandygynyň öňünde
surnaý çalmalydylar. Obededom bi-
len Ýehiýa hem sandyk üçin bellenen
derwezebanlardy.

### *Äht sandygy Iýerusalime getirilýär*

[25] Şeýlelikde, Dawut, Ysraýyl ýaşu-
lulary hem-de müňbaşylar Rebbiň Äht
sandygyny şatlyk-şagalaň bilen Obe-
dedomyň öýünden getirmäge gitdiler.
[26] Rebbiň Äht sandygyny getirýän le-
wilere Hudaý ýardam etdi we olar ýedi
öküz bilen ýedi goçy gurbanlyk berdiler.
[27] Sandygy göterýän lewiler, aýdymçy-
lar, aýdymçylaryň sazyna ýolbaşçylyk
edýän Kenanýa dagy ýaly, Dawut hem
nepis zygyr matadan tikilen don geýdi.
Dawudyň egninde nepis zygyr mata efot
hem bardy. [28] Şeýdip, ysraýyllar şagalaň
bilen, şahdan edilen surnaýlaryň, ker-
naýlaryň, kimwallaryň şowhuny, arfadyr
liralaryň belent owazy bilen Rebbiň Äht
sandygyny getirdiler.

[29] Rebbiň Äht sandygy Dawut galasyna
getirilende, Şawulyň gyzy Mikal penjire-
den seretdi. Ol Dawudyň bökjekläp tans
edişini görüp, oňa äsgermezçilik etdi.

## 16-njy bap

### *Äht sandygy çadyrda goýulýar*

[1] Olar Rebbiň sandygyny getirip,
Dawudyň niýetläp guran çadyrynyň
içinde goýdular. Soňra Dawut Rebbiň

---

[a] **15:20** ***Alamot*** – manysy belli däl. Belki, äheň, belki-de saz guraly.
[b] **15:21** ***Şeminit*** – manysy belli däl. Belki, äheň, belki-de saz guraly.

huzurynda ýakma hem salamatlyk gur-
banlyklaryny berdi. 2 Ol ýakma hem
salamatlyk gurbanlyklaryny berip bo-
landan soň, Rebbiň adyndan halka ak
pata berdi. 3 Ol aýal-erkek diýmän, ähli
ysraýyllara bir bölek çörek, bir bölek et
hem kişmiş paýlady.

4 Ysraýyl Hudaýy Rebbe dileg etmek,
Oňa öwgi aýdyp, Ony şöhratlandyr-
mak üçin, ol lewileriň käbirini Rebbiň
sandygynyň öňünde hyzmat etmäge
belledi. 5 Asaf – başlyk, Zakarýa onuň
kömekçisi boldy, Ýegiýel, Şemiramot,
Ýehiýel, Matytýa, Eliýap, Benaýa, Obe-
dedom hem-de Ýegiýel – arfa hem lira,
Asaf – kimwal çalmalydylar. 6 Ruhanylar
Benaýa bilen Ýahazyýal bolsa Rebbiň
Äht sandygynyň öňünde hemişe surnaý
çalmalydylar.

### *Dawudyň öwgi aýdymy*
*(Zebur 104:1-15; 95:1-13)*

7 Dawut şol gün Rebbe öwgi aý-
dymlaryny aýtmagy Asaf bilen onuň
garyndaşlaryna tabşyrdy.

8 Rebbe şükür ediň we Oňa ybadat
ediň,
halklar arasynda Onuň işlerini
jar ediň.
9 Oňa nagma aýdyň, Ony
şöhratlandyryň,
ähli gudratly işleri barada siz
gürrüň beriň.
10 Rebbiň mukaddes ady bilen
magtanyň;
Ony agtarýanlaryň ýüregi
şatlykdan dolsun.
11 Rebbe, Onuň kuwwatyna
sygynyň,
dyngysyz Onuň huzuryny
agtaryň.
12-13 Eý, Rebbiň bendesi Ysraýylyň
zürýady,
Onuň saýlanlary – Ýakubyň
nesli!
Ýatlaň Onuň görkezen
gudratlaryny,
mugjyzalaryny, agzyndan
çykan kararlaryny.
14 Ol – Hudaýymyz Reb,
Ol tutuş ýer ýüzüne kazylyk
edýär.
15-16 Onuň ähtini, müň nesle beren
sözüni,
Ybraýym bilen eden ähtini,
Yshaga beren Öz wadasyny
elmydama ýatda saklaň.
17-18 Diýdi: «Men size Kengan
ýurduny,
mirasyňyza düşen paý
hökmünde bererin».
Muny Ýakuba tassyklady kanun
hökmünde,
Ysraýyla – müdimi äht
hökmünde.
19 Şonda olar az sanlydylar,
gaty az we şol ýerde
gelmişekdiler.
20 Geçýärdiler bir milletden başga
millete,
bir şalykdan – başga şalyga.
21 Reb olary ezmäge hiç ýol bermedi,
şolar sebäpli Ol şalara käýedi.
22 Diýdi: «Saýlap-seçenlerime siz el
degirmäň,
pygamberlerime ýamanlyk
etmäň».
23 Rebbe nagma aýt, eý, tutuş ýer
ýüzi!
Onuň halas edýändigini
günsaýyn buşlaň!
24 Milletlere yglan ediň
şan-şöhratyny,
ähli halklara – gudratly işlerini.
25 Çünki Reb beýik, Ol belent sena
mynasyp,

biziň sežd ämize diňe Ol laýyk.
Ol milletleriň hudaýlaryndan
has wehimlidir.
26 Halklaryň bar hudaýlary ýöne bir
butdur,
emma gökleri Reb ýaradandyr.
27 Onuň huzuryndadyr hormat,
şan-şöhrat,
Onuň mekanyndadyr şatlyk we
kuwwat.
28 Eý, halklaryň tireleri, Rebbi wasp
ediň,
Rebbiň şöhratyny, güýjüni
öwüň!
29 Rebbiň adyna laýyk şöhraty beriň,
gurbanlyk getirip, huzuryna
giriň.
Rebbe şanly mukaddesliginde siz
sežde ediň;
30 eý, ýer ýüzündäkiler, Onuň
öňünde titräň.
Berk berkarar edildi dünýä,
ol sarsmaz asla.
31 Goý, gökler begensin,
ýer hem şatlansyn.
Milletler: «Reb – Patyşa!» diýsin.
32 Deňiz we onuň içindäkileriň
ählisi, goý, güwwüldeşsin.
Meýdan we ondaky bar zatlar
şatlykdan joşsun.
33 Şonda tokaý agaçlary Rebbiň
öňünde
nagmalar aýdar.
Çünki Ol dünýä kazylyk etmäge
gelýär.
34 Rebbe şükür ediň, çünki Ol ýagşy,
Onuň söýgüsi baky.
35 Ýene-de aýdyň:
«Eý, gutulyşymyzyň Hudaýy,
bizi halas et!
Mukaddes adyňa şükürler eder
ýaly,
Seniň şöhratyňa buýsanar ýaly,
milletleriň arasyndan bizi azat
et-de, toplap al.
36 Ysraýyl Hudaýy Rebbe
ezelden ebedä çenli alkyşlar
bolsun!»
Onsoň tutuş halk «Omyn» diýip, Rebbi
şöhratlandyrdy.

37-38 Rebbiň Äht sandygynyň öňünde
her gün hyzmat etsinler diýip, Dawut
Asafy, onuň doganlaryny hem-de Obe-
dedomy altmyş sekiz sany dogany bilen
goýdy. Ýedutunyň ogly Obededomy Hosa
bilen derwezeban edip goýdy. 39 Ruhany
Sadogy hem-de onuň ruhany garyndaşla-
ryny Gibgondaky seždegähdäki Rebbiň
çadyrynyň öňünde goýdy. 40 Dawut olary
ýakma gurbanlyk sypasynda Rebbiň
Ysraýyla buýran kanunynda ýazylyşy
ýaly edip, ertir-agşam yzyny kesmän
Rebbe ýakma gurbanlyklaryny bermek
üçin belledi. Bu kanunda ähli zat hak-
da ýazylandy. 41 Rebbiň baky söýgüsi
üçin Oňa alkyş aýtsynlar diýip, olaryň
ýanynda Heýmany, Ýedutuny hem-de
atlary agzalan beýleki saýlanan adam-
lary goýdy. 42 Heýmanyň, Ýedutunyň
elinde saz çalmak üçin surnaýlardyr
kimwallar bardy. Hudaý üçin aýdym
aýdýanlara-da saz gurallaryny berdi.
Ýedutunyň ogullaryny derwezeban edip
goýdy. 43 Soňra ähli halk öýli-öýüne
dargady. Dawut hem öz hojalygyna ak
pata bermek üçin öýüne gitdi.

## 17-nji bap

### *Rebbiň Dawuda beren wadasy*
*(2 Şamuwel 7:1-17)*

1 Dawut öz köşgünde ornaşandan soň,
Natan pygambere: «Seret, men-ä kedr
agajyndan gurlan köşkde ýaşaýaryn,
Rebbiň Äht sandygy bolsa çadyrda dur»

diýdi. [2]Natan Dawuda: «Islän zadyňy
ediber, sebäbi Hudaý seniň bilendir»
diýdi. [3]Emma hut şol gije Natana Reb-
biň şu sözi aýan boldy: [4]«Bar, gulum
Dawuda Reb şeýle diýýär diý: „Maňa
mesgen tutar ýaly öýi sen gurmaly däl-
siň. [5]Men ysraýyl halkyny Müsürden
alyp çykan günümden bäri öýde mesgen
tutmadym; çadyrymy ondan-oňa göçü-
rip ýaşap ýördüm. [6]Tutuş Ysraýyl bilen
bolan ýerlerimiň ählisinde Öz halkyma
baştutanlyk etmegi buýran Ysraýyl ser-
darlarynyň hiç birinden näme üçin Maňa
kedr agajyndan öý gurmandyklaryny
soramadym“. [7]Indi sen Meniň gulum Da-
wuda Hökmürowan Reb ýene-de şeýle
diýýär diý: „Men seni meýdanda goýun
bakyp ýören ýeriňden alyp, Öz halkym
Ysraýylyň hökümdary etdim. [8]Nirä git-
seň ýanyňda boldum, öňüňdäki ähli
duşmanlaryňy gyryp taşladym. Indi bol-
sa ýer ýüzündäki beýik adamlaryň ady
kimin seniň adyňy belende göterjek. [9]Öz
halkym Ysraýyl üçin bir ýer taýýynlap,
olary şol ýerde ýerleşdirjek. Şeýdip, olar
öz ýerlerinde ýaşarlar. Mundan beýläk
olaryň rahatlygy bozulmaz. [10]Halkym
Ysraýyla serdarlar bellän döwrümden
bäri sütem edişleri ýaly, betgylyk adam-
lar indi olara sütem etmezler. Men ähli
duşmanlaryňy boýun egdirerin. Men-
Reb seniň üçin bir öý bina etjekdigimi jar
edýärin. [11]Peýmanyň dolup, ata-babala-
ryňa gowşanyňda, ýeriňe öz ogluňy, öz
biliňden önen zürýadyňy tagta çykaryp,
onuň patyşalygyny kuwwatlandyraryn.
[12]Meniň üçin öýi ol gurar, Men onuň şa-
lyk tagtyny baky berkarar ederin. [13]Men
oňa Ata bolaryn, ol bolsa Maňa ogul
bolar. Senden öň bolan Şawuly mahrum
edişim ýaly, ony Öz sadyk söýgimden
mahrum etmerin. [14]Men ony Öz öýümde
hem-de şalygymda baky goýaryn. Şalyk
tagty baky dowam eder“». [15]Şu sözleriň
hem-de aýanlyklaryň ählisini Natan Da-
wuda gürrüň berdi.

### *Dawudyň minnetdarlyk dilegi*
*(2 Şamuwel 7:17-29)*

[16]Soňra Dawut gelip, Rebbiň hu-
zurynda oturdy-da, şeýle diýdi: «Ýa,
Hudaýymyz Reb, men kim, meni şeýle
derejä ýetirer ýaly, meniň maşgalam
kim? [17]Ýa Hudaýymyz Reb, bu zatlary
hem az görýän ýaly, Sen Öz guluň nesli-
niň geljegi hakynda hem söz berdiň. Sen
maňa belent mertebeli adam ýaly gara-
ýarsyň, ýa Hudaýymyz Reb! [18]Öz guluňa
beýle hormatyň üçin Dawut Saňa näme
diýip biler? Sen Öz guluňy tanaýarsyň
ahyryn! [19]Sen guluňyň hatyrasyna, Öz
göwün islegiňe görä bu beýik işi etdiň;
bu beýik işleriň ählisini aýan etdiň. [20]Eý,
Reb, Saňa taý geljek ýokdur, Senden baş-
ga Hudaý ýok! Muny öz gulaklarymyz
bilen eşitdik. [21]Ýer ýüzünde Seniň hal-
kyň Ysraýyla taý geljek halk barmyka?!
Öz halkym bolsun diýip, Sen ony Müsür
gulçulygyndan halas etdiň, beýik hem
aýylganç işler bilen Öz adyňy şöhrata
beslemek üçin beýleki milletleri olaryň
öňünden kowup çykardyň. [22]Hemişelik
Öz halkym bolsun diýip, halkyň Ysra-
ýyly Özüň üçin ebedi halk etdiň; Ýa
Reb, Sen olaryň Hudaýy bolduň. [23]Indi
bolsa, Sen, ýa Reb, Öz guluň hem onuň
nesli hakda aýdan sözüňi ebedi sakla-da,
diýşiň ýaly et! [24]Goý, ynsanlar „Hökmü-
rowan Reb Ysraýylyň Hudaýydyr“ diýip,
guluňyň neslini berkarar etsinler, ady-
ňy ebedilik belende götersinler. Guluň
Dawudyň nesli Seniň öňüňde kuwwat-
lansyn. [25]Sen, eý, Hudaýym, „Saňa nesil
berjek“ diýip, guluňa Özüň aýan edipdiň.
Şoňa görä-de, guluň Saňa ýüzlenip, şu
dilegi okamaga milt etdi. [26]Ýa Reb, Sen

Hudaýsyň. Şu ýagşylyklary guluňa Sen
wada etdiň. 27Öz huzuryňda ebedi gal-
syn diýip, guluňyň nesline pata bermek,
goý, Saňa hoş görünsin! Sebäbi, ýa Reb,
Seniň pataň bilen guluňyň nesli baky
pataly boldy we patalydyr!»

## 18-nji bap

***Dawut duşmanlaryny ýeňýär***
*(2 Şamuwel 8:1-18)*

1Birnäçe wagtdan soň Dawut piliştli-
lere zarba urup, olary özüne tabyn etdi.
Ol Gat galasyny hem-de onuň obalaryny
piliştlileriň elinden aldy. 2Ol mowaply-
lary ýeňdi. Mowaplylar Dawuda tabyn
bolup, oňa salgyt tölediler. 3Soňra Da-
wut Ýewfrat derýasynyň töweregindäki
agalygyny täzeden dikeltmek üçin giden
Soba patyşasy Hadadgezeri Hamatyň
ýakynynda boýun egdirdi. 4Dawut onuň
müň sany söweş arabasyny, arabaly
goşunynyň ýedi müň esgerini hem-de
ýigrimi müň esgerli pyýada goşunyny
ýesir aldy. Ol atlaryň ýüz araba ýeter
ýalysyny goýup, galanlaryny maýyp
etdi. 5Damaskda ýaşaýan siriýalylar
Soba patyşasy Hadadgezere kömege
gelende, Dawut siriýalylaryň ýigrimi
iki müňüsini öldürdi. 6Dawut Damaskda
ýaşaýan siriýalylaryň arasynda goşun
bölümlerini ýerleşdirdi. Siriýalylar Da-
wuda tabyn bolup, oňa salgyt tölediler.
Dawudyň baran ýerinde Reb oňa ýeňiş
berýärdi. 7Dawut Hadadgezeriň gul-
larynyň göterýän altyn galkanlaryny
alyp, Iýerusalime getirdi. 8Hadadgeze-
riň galalary Tibhatdan hem-de Kundan
Dawut juda köp bürünji ele saldy. Soň
Süleýman şol bürünçlerden bürünç ho-
wuz, sütünleri hem enjamlary ýasady.
9Hamat şasy Togu Dawudyň Soba
şasy Hadadgezeriň ähli goşunyny derbi-
dagyn edendigini eşitdi. 10Hadadgezer
bilen urşup, ondan üstün çykmagy my-
nasybetli Dawut patyşany gutlamak
hem-de hal-ahwal soraşmak üçin, Togu
öz ogly Hadoramy[a] Dawudyň ýanyna
iberdi. Sebäbi Hadadgezer Togu bilen
ýygy-ýygydan uruşýardy. Hadoram
özi bilen kümüş, altyn hem bürünç
sowgatlar äkitdi. 11Dawut bu sowgatla-
ry-da ähli milletlerden: edomlylardan,
mowaplylardan, ammonlylardan, pi-
liştlilerden hem amaleklerden ele salan
altyn-kümüşleri bilen bile Rebbe ba-
gyş etdi.
12Seruýanyň ogly Abyşaý Duz jülge-
sinde on sekiz müň edomlyny öldürdi.
13Ol Edomda goşun bölümlerini ýer-
leşdirdi; ähli edomlylar Dawuda tabyn
boldular. Dawudyň giden ýerinde Reb
oňa ýeňiş berýärdi.
14Şeýdip, Dawut tutuş Ysraýyla paty-
şalyk edýärdi. Ol tutuş halkyny adyllyk
hem hakykat bilen dolandyrýardy.
15Seruýanyň ogly Ýowap onuň goşunba-
şysydy; Ahyludyň ogly Ýehoşapat – baş
emeldarydy, 16Ahytubyň ogly Sadok
bilen Abýataryň ogly Abymelek ruha-
nydylar, Şawşa – kätipdi, 17Ýehoýadanyň
ogly Benaýa keretler bilen peletleriň
baştutanydy, Dawudyň ogullary bolsa
şa hyzmatynyň baştutanlarydy.

## 19-njy bap

***Dawut ammonlylary hem-de siriýalylary ýeňýär***
*(2 Şamuwel 10:1-19)*

1Biraz wagtdan soň Ammon patyşa
Nahaş ölüp, ýerine ogly tagta çykdy.

[a] **18:10** ***Hadoram*** – bu at 2Şam 8:10-da *Ýoram* diýip duş gelýär.

2 Dawut: «Nahaş maňa wepaly boldy,
men hem onuň ogly Hanuna wepaly bo-
laýyn» diýdi. Ony kakasy üçin çekýän
hasratyndan köşeşdirmek üçin, Dawut
onuň ýanyna birnäçe çaparlar ýollady.
Dawudyň adamlary Ammon ýurduna
Hanuny köşeşdirmek üçin onuň ýanyna
gelenlerinde, 3 ammon begleri Hanuna:
«Dawut saňa köşeşdirijileri atañyň hor-
maty üçin iberendir öýdýäňmi? Ol öz
çaparlaryny galany basyp almak üçin,
ony gözden geçirmäge iberendir» diý-
diler. 4 Hanun Dawudyň çaparlaryny
tutup, olaryň sakgallaryny syrdy, ge-
ýimlerini syrtlaryna çenli ortasyndan
kesdirip, yzlaryna ugratdy. 5 Şeýdip, olar
ol ýerden gaýtdylar. Bu adamlar hakda
Dawuda habar berenlerinde, ol: «Sak-
galyňyz ösýänçä, Ýerihoda boluberiň,
soň gelersiňiz» diýen tabşyryk bilen
olaryň öňünden çaparlar iberdi, çünki
olar gaty kemsidilipdi.

6 Dawudy özlerine duşman edendikle-
rine düşünip, ammonlylar Hanun bilen
Mesopotamiýadan, Siriýadaky Magaka-
dan hem-de Sobadan söweş arabalaryny,
arabaly goşuny hakyna tutmak üçin, olara
bir müň ýedi ýüz batman[a] kümüş iberdi.
7 Olar otuz iki müň sany söweş arabasyny
we patyşa Magakany goşuny bilen hakyna
tutdular. Olar gelip, Meýdebanyň öňünde
harby düşelge gurdular. Ammonlylar hem
öz galalaryndan ýygnanyşyp, söweşe
çykdylar. 8 Dawut muny eşidip, Ýowaby
hem batyr esgerli bütin goşunyny iberdi.
9 Ammonlar çykyp, galanyň derwezesiniň
agzynda söweşmek üçin nyzama durdu-
lar, gelen patyşalar bolsa açyk meýdanda
aýratyn nyzama durdular.

10 Özüniň hem arkasynda, hem öňün-
de söweşiň ýaýbaňlanandygyny gören
Ýowap Ysraýylyň saýlama esgerleri-
ni alyp, olary siriýalylaryň garşysyna
nyzama duruzdy. 11 Galan goşuny öz
dogany Abyşaýyň eline berdi we olary
ammonlylaryň garşysyna nyzama du-
ruzdy. 12 Ýowap: «Bardy-geldi siriýalylar
menden güýçli çykaýsalar, sen maňa kö-
mege ýetişersiň; bardy-geldi ammonlylar
senden güýçli bolup çykaýsalar, onda
men saňa kömege ýetişerin. 13 Mert bol,
halkymyz üçin we Hudaýymyzyň gala-
lary üçin dözümli söweşeli. Reb bolsa
Öz islänini etsin» diýdi. 14 Şeýdip, Ýowap
hem onuň goşunlary siriýalylara garşy
söweşe girişdiler; duşmanlar Ýowapdan
gaçdylar. 15 Siriýalylaryň gaçanyny gö-
ren ammonlylar hem Ýowabyň dogany
Abyşaýdan gaçyp, gala girdiler. Şondan
soň Ýowap Iýerusalime geldi.

16 Özleriniň ysraýyllardan ýeňlen-
diklerini görüp, siriýalylar Ýewfrat
derýasynyň aňyrsyndaky siriýalylara
çaparlar iberip, olary Şopagyň baş-
tutanlygynda çykartdylar. Şopak
Hadadgezeriň goşunbaşysydy. 17 Dawut
muny eşidip, ähli ysraýyllary toplap,
Iordan derýasyndan geçdi. Ol olaryň
ýanyna gelip, öz güýçlerini siriýalylara
garşy gönükdirdi. Dawut öz goşunyny
siriýalylaryň garşysyna nyzama duruzdy
we siriýalylar olar bilen urşa girişdiler.
18 Siriýalylar ysraýyllaryň goşunyndan
gaçdylar. Dawut olaryň ýedi müň söweş
arabaly esgerlerini, pyýada goşundan
kyrk müň adamy hem-de olaryň goşun-
başysy Şopagy öldürdi. 19 Hadadgezere
tabyn bolan hanlaryň ählisi özleriniň
ysraýyllardan ýeňlendiklerine göz ýeti-
rip, Dawut bilen ylalaşyk baglaşyp, oňa
boýun egdiler. Siriýalylar mundan beýläk
ammonlylara kömek etmek islemediler.

[a] **19:6** ***Bir müň ýedi ýüz batman*** – ýewreýçe *müň kikkar*. Bu takm. 34 tonna deňdir.

## 20-nji bap

### *Dawut Raba galasyny basyp alýar*

1 Ýaz paslynda, patyşalaryň ýöri-
şe gidýän döwri Ýowap goşuny alyp,
ýörişe çykyp, Ammon ýurduny kül-pe-
ýekun etdi, soň gelip, Rabany gabady.
Emma Dawut Iýerusalimde galypdy.
Ýowap Rabanyň üstüne hüjüm edip, ony
derbi-dagyn etdi. 2 Dawut Ammon paty-
şasynyň başyndan altyn täjini aldy; onuň
agramy iki putdy[a], onuň ýüzüne gym-
matbaha daş oturdylandy. Ony Dawudyň
kellesine geýdirdiler. Dawut galadan köp
mukdarda olja-da aldy. 3 Galanyň halkyny
bolsa Dawut galadan göçürip, olary byçgy,
demir kätmen hem-de palta bilen işle-
nilýän işlerde goýdy. Ol ammonlylaryň
ähli galalarynda şeýle edenden soň, ähli
goşun bilen bile Iýerusalime dolandy.

### *Piliştlilere garşy söweş*
*(2 Şamuwel 21:18-22)*

4 Şondan soň Gezerde piliştliler bilen
uruş başlady. Şonda huşaly Sibekaý iri
adamlaryň neslinden bolan Sipaý diýen
birini öldürdi. Piliştliler boýun egdiler.
5 Piliştliler bilen ýene uruş boldy. Ýagyryň
ogly Elhanan gatly Jaludyň dogany Lah-
myny öldürdi. Lahmynyň naýzasynyň
sapy dokmaçynyň tütesi ýaly ýogyndy.
6 Gat galasynda ýene uruş boldy. Ol ýerde
ýene piliştlileriň iri neslinden elleridir
aýaklary alty-altydan ýigrimi dört bar-
makly şilliň uzyn biri bardy. 7 Ysraýyla
sögendigi sebäpli, Dawudyň dogany Şim-
ganyň ogly Ýonatan Rapa neslinden bolan
bu adamy öldürdi. 8 Bularyň dördüsi-de
Gatyň rapalaryndandylar. Olar Dawudyň
hem-de onuň esgerleriniň elinden öldüler.

## 21-nji bap

### *Dawut halkyň sanyny hasaba alýar*
*(2 Şamuwel 24:1-25)*

1 Şeýtan Ysraýyla garşy çykyp, Da-
wudy ysraýyl halkynyň adam sanyny
bilmek küýüne düşürdi. 2 Dawut Ýowaba
hem-de goşunbaşylara: «Gidiň-de, Be-
ýerşebadan Dana çenli bolan ysraýyllary
hasaba alyň-da, maňa habar beriň. Maňa
ilatyň sany gerek» diýdi. 3 Emma Ýowap
patyşa ýüzlenip: «Reb halkynyň sanyny
ýüz esse köpeltsin! Eý, şahym, şolaryň
ählisi jenabymyň gullary dälmi näme?
Näme üçin jenabym beýle etmek isle-
ýär? Näme üçin ol Ysraýyly günäli etjek
bolýar?» diýdi. 4 Ýöne patyşanyň sözi
Ýowabyňkydan üstün geldi. Şunlukda,
Ýowap gidip, tutuş Ysraýyla aýlanyp,
Iýerusalime gaýdyp geldi. 5 Ýowap ilat
ýazuwynyň netijesini Dawuda berdi.
Tutuş Ysraýylda eli gylyç tutup biljek
adamlarynyň sany bir million ýüz müň-
di, Ýahudanyňky bolsa dört ýüz ýetmiş
müň adam bolup çykdy. 6 Ýowap lewiler
bilen benýaminleri hasaba almady, çünki
patyşanyň buýrugy oňa nejis göründi.
7 Bu iş Hudaýa pis göründi we Ol
Ysraýyly jezalandyrdy. 8 Dawut: «Şu
hereketim bilen Seniň öňüňde uly günä
gazandym, akmaklyk etdim. Öz guluňy
günä astynda goýma, Sen! Ýalbarýaryn!»
diýip, Hudaýa ýüzlendi. 9 Reb Dawudyň
görgüri Gada şeýle diýdi: 10 «Dawudyň
ýanyna bar-da: „Reb seniň öňüňde üç
şert goýýar; birini saýla, Ol şony hem
amala aşyrjak“ diýip aýt». 11 Gat gelip,
Dawuda: «Reb şeýle diýýär: „Saýla:
12 ýa üç ýyl açlyk, ýa duşmanlaryňyň
öňünde üç aýlap derbi-dagyn bolmaklyk,

[a] **20:2** ***Iki put*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.

ýa üç gün Rebbiň ýurda inderen gyrgyn
keselinden heläk bolmaklyk, Rebbiň pe-
rişdesi tutuş Ysraýyl topragyndakylary
weýran eder“. Indi birini saýla, men
özümi Iberene jogap bermeli» diýdi.
13 Dawut Gada: «Men erbet ýagdaýa
düşdüm. Gowusy, men Rebbiň eline
düşeýin, ynsan eline düşmäýin. Rebbiň
rehimdarlygy beýikdir» diýdi.

14 Şeýdip, Reb Ysraýyla gyrgyn ke-
selini iberdi we mundan ilatyň ýetmiş
müň adamy gyryldy. 15 Hudaý Iýerusa-
limiň halkyny weýran etmek üçin bir
perişdesini iberdi. Perişde halky weýran
etjek bolanda, Reb muny görüp, bu bet-
bagtçylygy goýbolsun etdi. Ol weýran
edýän perişdä: «Besdir! Indi eliňi çek!»
diýdi. Şonda Rebbiň perişdesi ýabusly
Ornanyň harman ýeriniň golaýyndady.
16 Rebbiň perişdesiniň öz elindäki ýala-
ňaç gylyjyny Iýerusalime tarap uzadyp,
ýer bilen gögüň arasynda durandygyny
Dawut gördi. Jul geýnen Dawut hem-de
ýaşulular ýere ýüzin ýykyldylar. 17 Dawut
Hudaýa şeýle diýdi: «Halkyň sanyny
bilmek üçin buýruk beren men dälmi-
dim näme? Günä eden men, hata iş eden
men. Ýöne bu bigünä halk näme etdi
ahyryn? Eý, Hudaýym Reb, goý, Sen
diňe maňa hem atamyň nesline jeza ber,
Öz halkyňy weýran etme!»

18 Onsoň Rebbiň perişdesi Gada ýa-
busly Ornanyň harman ýerinde Rebbe
gurbanlyk sypasyny gurmalydygyny
Dawuda aýtmagy emr etdi. 19 Dawut
Gadyň Rebbiň adyndan aýdan sözi bilen
ol ýere gitdi. 20 Ornan yzyna öwrülip, pe-
rişdäni gördi. Onuň ýanyndaky dört ogly
gizlendi, Ornan bolsa bugdaý döwmegini
dowam etdirdi. 21 Dawut Ornanyň ýany-
na geldi. Ornan ony görüp, harmandan
çykdy we oňa iki bükülip tagzym etdi.
22 Dawut Ornana şeýle diýdi: «Rebbe
gurbanlyk sypasyny gurar ýaly harman
ýeriňi ber, ony maňa doly bahasyna
sat; şeýtsek, halkyň başyna düşen bet-
bagtçylyk sowlar». 23 Ornan Dawuda
şeýle diýdi: «Alaý! Ýakma gurbanlygy
üçin öküzleri, odun üçin döwek döwýän
gurallary, galla sadakasy üçin bugdaýy –
şularyň hemmesini men saňa berýärin».
24 Emma Dawut patyşa Ornana şeýle
diýdi: «Ýok, men olaryň hemmesini
doly bahasyna satyn aljak. Men Reb
üçin seniň zadyňy ýöne aljak däl, mugt
düşen zady ýakma gurbanlyk berjek
däl». 25 Şeýdip, Dawut Ornana harman
ýeri üçin alty ýüz altyn teňňe töledi.
26 Dawut ol ýerde Rebbe gurbanlyk sy-
pasyny gurup, ýakma hem-de salamatlyk
gurbanlyklaryny hödürledi. Ol Rebbi ça-
gyrdy; Reb ýakma gurbanlyk sypasynyň
üstünde gökden ot bilen Dawuda jogap
berdi. 27 Soňra Reb perişdä buýruk berdi;
perişde gylyjyny gynyna saldy.

28 Dawut ýabusly Ornanyň harma-
nynda özüne Rebbiň jogap berendigini
gören wagty, şol ýerde sadakalar ber-
di. 29 Çünki Rebbiň Musa tarapyndan
çölde gurlan çadyry hem-de ýakma
gurbanlyk sypasy şol wagt Gibgondaky
seždegähdedi. 30 Emma Dawut Hudaý-
dan soramak üçin onuň öňüne baryp
bilmedi, sebäbi ol Rebbiň perişdesiniň
gylyjyndan gorkýardy.

## 22-nji bap

1 Onsoň Dawut: «Şu ýerde Beýik Hu-
daýyň öýi hem-de Ysraýyl üçin ýakma
gurbanlyk sypasy bolsun» diýdi.

### *Dawut ybadathanany gurmaga taýýarlyk görýär*

2 Dawut Ysraýylda ýaşaýan gelmişek-
leri toplamagy buýrup, Hudaýyň öýüni
gurmak üçin daş ýonýan ussalary belledi.

[3-4]Dawut derwezeleriň gapylary üçin
çüýler we petleler üçin juda köp demir,
ölçärden agdyk bürünç, ummasyz köp
mukdarda kedr agaçlaryny taýýarlady.
Köp möçberdäki bu kedr agaçlaryny Da-
wuda sidonlylar bilen surlular getirdiler.
[5]Dawut şeýle diýdi: «Oglum Süleýman
ýaş hem tejribesiz, Rebbe guruljak öý
bolsa biçak gözel, bütin dünýäde meş-
hur hem-de şöhratly bolmalydyr. Şonuň
üçinem men taýýarlyk görmelidirin».
Şeýlelikde, Dawut ölmezinden öň, öýüň
gurluşygy üçin taýýarlyk işleriniň uly
tapgyryny ýerine ýetirdi.

### *Dawudyň Süleýmana wesýeti*

[6]Onsoň Dawut ogly Süleýmany ýanyna
çagyryp, Ysraýyl Hudaýy Rebbe öý gur-
magy oňa wesýet etdi. [7]Dawut Süleýmana
şeýle diýdi: «Oglum, meniň Hudaýym
Rebbe öý gurmak niýetim bardy. [8]Emma
maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: „Sen köp
gan dökdüň hem-de ýowuz uruşlar alyp
bardyň. Maňa öýi sen gurmaly dälsiň, se-
bäbi sen Meniň huzurymda ýer ýüzünde
köp gan dökdüň. [9]Ine, senden bir ogul
dünýä iner; ol asudalykda ýaşar. Men
oňa töweregindäki ähli duşmanlaryndan
dynçlyk bererin. Onuň ady Süleýman
bolar, Men onuň döwründe Ysraýyla
parahatçylyk [a] hem asudalyk bererin.
[10]Ol Maňa öý gurar. Ol Maňa ogul bolar,
Men oňa Ata bolaryn. Men Ysraýylyň
üstünden onuň şalyk tagtyny müdimilik
berkarar ederin“. [11]Indi, oglum, goý, Reb
saňa ýar bolsun. Reb sen barada aýdy-
şy ýaly, Hudaýyň Rebbe öý gurmaklyk
işiň şowuna bolsun. [12]Hudaýyň Reb se-
ni Ysraýyla hökümdar goýanda, Onuň
kanunyny berjaý ederiň ýaly, goý, Reb
saňa akyl-paýhas bersin. [13]Eger Rebbiň
Musanyň üsti bilen Ysraýyla tabşyran
parzlarydyr hökümlerini berjaý etseň,
işiň rowaç bolar. Dözümli hem mert bol;
gorkma, ruhdan düşme. [14]Men Rebbiň öýi
üçin, uly yhlas bilen bir ýüz ýetmiş müň
batman [b] altyn, bir million ýedi ýüz müň
batman [ç] kümüş, ölçärden agdyk bürünç-
dir demir, agaçdyr daşlar ýygnadym. Sen
bularyň üstüni ýetirmelisiň. [15-16]Eliňde
ummasyz işçi güýji bar: daş ýonujylaryň,
kerpiç örüjileriň, agaç ussalaryň, san-sa-
jaksyz ussat zergärleriň, kümüş, bürünç
hem demir ussalaryň bardyr. Indi işe
başla, Reb saňa ýar bolar!»
[17]Şeýle hem Dawut ogly Süleýmana
kömek bermekleri üçin, Ysraýylyň äh-
li ýolbaşçylaryna şeýle buýruk berdi:
[18]«Hudaýyňyz Reb siziň bilen dälmi?
Ähli tarapdan size rahatlyk beren Şol
dälmi? Ol bu ýurduň ähli ilatyny meniň
elime berdi we ýurt Rebbe hem-de Onuň
halkyna boýun egdi. [19]Indi bütin kalby-
ňyz hem janyňyz bilen Hudaýyňyz Rebbi
agtaryň! Rebbiň Äht sandygyny hem-de
Hudaýyň mukaddes enjamlaryny Rebbe
gurlan öýe getireriňiz ýaly, gidiň-de, Be-
ýik Hudaýyň mukaddes öýüni guruň».

## 23-nji bap

### *Lewileriň wezipeleri*

[1]Dawut öz durmuşyndan razy bolup,
ogly Süleýmany Ysraýyla patyşa etdi.

---

[a] **22:9 *Süleýman… parahatçylyk*** – ýewreýçe *Süleýman* we *parahatçylyk* sözleriniň aý-dylyşy meňzeşdir.

[b] **22:14 *Bir ýüz ýetmiş müň batman*** – ýewreýçe *ýüz müň kikkar*. Bu takm. 3450 tonna deňdir.

[ç] **22:14 *Bir million ýedi ýüz müň batman*** – ýewreýçe *bir million kikkar*. Bu takm. 34500 tonna deňdir.

2 Dawut Ysraýylyň ähli ýolbaşçylaryny,
ruhanylary hem-de lewileri ýanyna ça-
gyrdy. 3 Lewileriň otuz we ondan ýokary
ýaşlylary hasaba alyndy. Olar jemi otuz
sekiz müňdi. 4 Dawut: «Şolaryň ýigrimi
dört müňüsi Rebbiň öýünde hyzmat et-
melidirler; alty müňüsi baştutanlar hem
kazylar, 5 dört müňi derwezebanlar, ýe-
ne dört müňi meniň öwgi aýtmak üçin
ýasan saz gurallarymda Rebbi şöhrat-
landyrmalydyrlar» diýdi. 6 Dawut olary
Lewiniň Gerşon, Kohat hem-de Merary
atly üç ogluna görä toparlara böldi.

### *Gerşonlar*

7 Gerşonyň ogullary: Ladan bilen Şim-
gi. 8 Ladanyň nesilleri: Ýehiýel nowbahar
ogly, Zetam, Ýowel – jemi üç, 9 Şimginiň
nesilleri: Şelomot, Hazyýel, Haran – je-
mi üç. Bular Ladanyň kowumbaşylarydy.
10 Şimginiň nesilleri: Ýahat, Zina, Ýeguş,
Beriga – jemi dört. 11 Ýahat başy, Ziza
indikisidi, ýöne Ýeguş bilen Beriganyň
ogullary köp däldi, şoňa görä-de, olar
bir maşgala hasap edilýärdiler.

### *Kohatlar*

12 Kohadyň ogullary: Imran, Ýishar,
Hebron, Uzyýel – jemi dört. 13 Imranyň
ogullary: Harun bilen Musa. Harun iň
mukaddes zatlary bagyş etmäge saý-
landy. Şeýlelikde, ol hem onuň ogullary
elmydama Rebbiň öňünde gurbanlyklar
bermelidirler, Oňa hyzmat etmelidirler
hem Onuň ady bilen pata bermelidiler.
14 Ýöne Hudaýyň adamy bolan Musa
hem onuň ogullary lewileriň tiresine
goşuldylar. 15 Musanyň ogullary: Gerşom,
Eligezer. 16 Gerşomyň nesli Şebuwal başy.
17 Eligezeriň ogly Rehabýa başy. Eligeze-
riň başga ogly ýokdur, ýöne Rehabýanyň
nesilleri juda köpdi. 18 Ýisharyň nes-
li Şelomyt başy. 19 Hebronyň nesilleri
Ýeriýa başy, Amarýa indikisi, üçünji-
si Ýahazyýal, dördünjisi Ýekamgam.
20 Uzyýeliň ogullary: uly ogly Mika we
ikinjisi Ýişiýa.

### *Merarylar*

21 Merarynyň ogullary: Mahly, Muşy.
Mahlynyň ogullary: Elgazar, Kiş. 22 El-
gazar ogulsyz dünýäden ötdi, onuň diňe
gyzlary bardy. Olar Kişiň ogullaryna
durmuşa çykdylar. 23 Muşynyň ogullary:
Mahly, Eder, Ýeremot – jemi üç. 24 Ine,
şular lewileriň kowumbaşylarydyr we
uruglaryna görä hasaba alnandyr. Olar
ýigrimi we ondan ýokary ýaşly bolup,
Rebbiň öýüne hyzmat etmelidiler. 25 Öň
Dawut şeýle diýipdi: «Ysraýyl Hudaýy
Reb Öz halkyna dynçlyk berdi; Ol Iýeru-
salimde müdimilik ýaşaýar. 26 Şeýlelikde,
lewiler Rebbiň çadyryny ýa-da Oňa
hyzmat üçin ulanylýan beýleki esbaplary
ondan-oňa göçürmezler». 27 Dawudyň
soňky sözlerine görä, lewileriň ýigrimi
hem ondan uly ýaşlylarynyň sany şudy.
28 Lewiler Rebbiň öýüne hyzmat et-
mek üçin, Harunyň neslinden bolan
adamlaryň ýanynda bolup, şu işleri ýe-
rine ýetirmelidiler: howlulara hem-de
otaglara seretmek, mukaddes zatlary
arassalamak, Hudaýyň öýüniň hyzma-
tyndaky her bir işe: 29 hödür çöregine,
gurbanlyklar üçin berlen saýlama una,
petir kökelere, bişirilen sadakalara, zeý-
tun ýagyna garylan sadaka, ybadathana
ölçegine we möçberine seretmek. 30 Şeýle
hem olar her gün ertir-agşam Rebbe şü-
kür edip, öwgüler aýtmalydylar. 31 Sabat
günlerinde, Täze Aý baýramlarynda
we beýleki baýramlarda ýakma gur-
banlyklar berenlerinde, Rebbe şükür
edip, öwgüler aýtmalydylar. Olar bu
işleri emr edilen düzgünlere görä hemişe
Rebbiň huzurynda ýerine ýetirmelidiler.

32 Rebbe ýüz tutulýan çadyr we mukad-
des ýer lewileriň baştutanlygyndady.
Olar Rebbiň öýünde hyzmat edýän Haru-
nyň nesillerinden bolan doganlaryna-da
esewan bolmalydylar.

## 24-nji bap

### *Ruhanylar we olaryň etmeli wezipeleri*

1 Harunyň nesilleri hyzmat üçin bö-
lünendir. Harunyň ogullary: Nadap,
Abyhu, Elgazar, Ytamar. 2 Emma Nadap
bilen Abyhu kakalaryndan öň ölüpdiler;
olaryň ogly ýokdy. Şoňa görä, Elgazar
bilen Ytamar ruhany boldular. 3 Da-
wut Elgazaryň nesli Sadok, Ytamaryň
nesli Ahymelek bilen bile ruhanylary
borçlaryna görä hyzmat işlerine bö-
lüşdirdi. 4 Ytamaryň nesline garanda,
Elgazaryň neslindäki kowumbaşylar
has köpdi. Şoňa görä kowumbaşylaryň
baştutanlygynda Elgazaryň nesilleri on
alty bölege, Ytamaryň nesilleri sekiz bö-
lege bölünendi. 5 Adalatly bolmak üçin
iki topar hem bije boýunça bölündiler,
sebäbi mukaddes çadyra hem-de Hudaýa
hyzmat etmeli ýolbaşçylar Elgazaryň
nesliniň arasynda-da, Ytamaryň nes-
liniň arasynda-da bardy. 6 Lewilerden
bolan Netaneliň ogly Şemagýa mürze
patyşanyň, ýolbaşçylaryň, ruhany Sadok
bilen Abýataryň ogly Ahymelegiň, ru-
hanylaryň nesilleriniň hem-de lewileriň
kowumbaşylarynyň huzurynda bularyň
atlaryny ýazdy. Elgazar bilen Ytamaryň
hersi üçin bir topar saýlanyp alyndy.

7 Bijesi çykan adamlar bije tertibi bo-
ýunça şulardyr: Ýehoýaryp, Ýedaýa,
8 Harym, Segorym, 9 Malkyýa, Miýamyn,
10 Hakos, Abyýa, 11 Ýeşuwa, Şekanýa,
12 Elýaşyp, Ýakim, 13 Hupa, Ýeşebe-
ýap, 14 Bilga, Immer, 15 Hezir, Hapyses,
16 Petahýa, Ezekiýel, 17 Ýakin, Gamul,
18 Delaýa, Magazýa – jemi ýigrimi dört
bije. 19 Olaryň Rebbiň öýüne girmek üçin
ýerine ýetirmeli borçlary, ine, şudur.
Muny olara Ysraýyl Hudaýy Reb olaryň
atasy Harunyň üsti bilen tabşyrypdy.

### *Lewileriň galan bölegi hyzmata bellenilýär*

20 Lewiniň nesilleriniň galan urugba-
şylary şulardyr: Imranyň nesli Şubaýyl,
Şubaýylyň nesli Ýehdeýa. 21 Rehabýadyň
nesli Ýişiýa. 22 Ýisharlardan Şelomot;
Şelomodyň nesillerinden Ýahat. 23 Heb-
ronyň nesillerinden ýaş tertibine görä
Ýeriýa, Amarýa, Ýahazyýal, Ýekamgam.
24 Uzyýeliň neslinden Mika; Mikanyň
neslinden Şamyr. 25 Mikanyň dogany
Ýişiýa, Ýişiýanyň neslinden Zakarýa.
26 Merarynyň nesillerinden Mahly, Mu-
şy. Ýagazyýanyň ogullaryndan Beno.
27 Merarynyň nesillerinden Ýagazyýa,
Beno, Şoham, Zakur, Ibri. 28 Mahlynyň
nesillerinden Elgazar; onuň ogly ýokdur.
29 Kişden Ýerahmeýel. 30 Muşynyň nesil-
lerinden Mahly, Eder, Ýerimot. Şular
uruglaryna görä Lewiniň nesilleridir.
31 Garyndaşlary bolan Harunyň nesil-
lerinde bolşy ýaly, bular hem Dawut
patyşanyň, Sadokdyr Ahymelegiň, ru-
hanylardyr lewileriň kowumbaşylarynyň
öňünde bije atdylar. Olaryň kowum-
başylar bolan ýaş garyndaşlary hem
şeýle etdiler.

## 25-nji bap

### *Ybadathana sazandalary*

1 Dawut hem-de goşun baştutanlary
Asafyň, Heýmanyň hem-de Ýedutu-
nyň ogullaryny hyzmat işi üçin bölüp
aýyrdylar. Olar lira, arfa hem kimwal
çalyp pygamberlik etmelidiler. Hyzmat

işini ýerine ýetirenler şulardyr: 2 Asafyň ogullaryndan: Zakur, Ýusup, Netanýa, Asarela. Bular patyşanyň emrine görä pygamberlik eden Asafyň ogullarydy we onuň garamagyndadylar. 3 Ýedutunyň ogullaryndan: Gedalýa, Seri, Işaýa, Şimeý [a], Haşabýa, Matytýa – jemi alty. Olar Rebbe lira bilen öwgi aýdyp, Ony şöhratlandyryp pygamberlik edýän kakalary Ýedutunyň garamagyndadylar. 4 Heýmanyň ogullary: Bukyýa, Matanýa, Uzyýel, Şebuwal, Ýerimot, Hananýa, Hanany, Eliýata, Gidalty, Romamty Gezer, Ýoşbekaşa, Malloty, Hotyr, Mahazyýot. 5 Şularyň hemmesi patyşanyň görgüri Heýmanyň ogullarydyr. Bu ogullar Hemana ony beýik etmek üçin, Hudaýyň beren wadasy bilen berlipdi. Hudaý oňa on dört ogul bilen üç gyz berdi. 6 Bularyň bary kakalarynyň garamagynda Rebbiň ybadathanasynda kimwal, arfa hem lira çalyp, aýdym aýdýardylar. Asaf, Ýedutun we Heýman patyşanyň buýrugy astyndadylar. 7 Bular hem-de bularyň Rebbiň öňünde aýdym aýtmaklyga türgenleşdirilen garyndaşlarynyň bu işe ussatlary iki ýüz segsen sekiz adamdy. 8 Olaryň uludan-kiçä, halypadan-şägirde çenli bary borçlary üçin bije atdylar. 9 Birinji bije Asafyň neslinden Ýusuba düşdi; ikinji Gedalýa; doganlary we ogullary bilen on iki adam; 10 üçünji Zakura; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 11 dördünji Ýezer [b]; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 12 bäşinji Netanýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 13 altynjy Bukyýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 14 ýedinji Ýesarela [ç]; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 15 sekizinji Ýeşagýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 16 dokuzynjy Matanýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 17 onunjy Şimgä; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 18 on birinji Azarel [d]; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 19 on ikinji Haşabýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 20 on üçünji Şubaýyla; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 21 on dördünji Matytýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 22 on bäşinji Ýerimot; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 23 on altynjy Hananýa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 24 on ýedinji Ýoşbekaşa; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 25 on sekizinji Hanana; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 26 on dokuzynjy Mallota; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 27 ýigriminji Eliýata; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 28 ýigrimi birinji Hotyra; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 29 ýigrimi ikinji Gidalta; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 30 ýigrimi üçünji Mahazyýota; ogullary we doganlary bilen on iki adam; 31 ýigrimi dördünji Romamty Gezere düşdi; ogullary we doganlary bilen on iki adam.

## 26-njy bap

### *Rebbiň öýüniň derwezebanlary*

1 Derwezebanlaryň bölümleri şulardyr: koralardan Asafyň ogullaryndan bolan Koreniň ogly Meşelemýa. 2 Meşelemýanyň

[a] **25:3** Bu söz käbir golýazmalarda ýok.

[b] **25:11** ***Ýezer*** – 25:3-de *Seri* diýip duş gelýär.

[ç] **25:14** ***Ýesarela*** – bu at 25:2-de *Asarela* diýip duş gelýär.

[d] **25:18** ***Azarel*** – bu at 25:4-de *Uzyýel* diýip duş gelýär.

ogullary: nowbahar ogly Zakarýa,
ikinjisi Ýedigaýel, üçünjisi Zebadýa,
dördünjisi Ýatnyýel, [3]bäşinjisi Eýlam, al-
tynjysy Ýehohanan, ýedinjisi Elýogeýnaý.
[4]Obededomyň ogullary: nowbahar ogly
Şemagýa, ikinjisi Ýehozabat, üçünjisi
Ýowa, dördünjisi Sakar, bäşinjisi Netanel,
[5]altynjysy Emiýel, ýedinjisi Ysakar, se-
kizinjisi Pegullataý. Obededomy Hudaý
ýalkapdy. [6]Şemagýadan hem birnäçe
ogul dünýä indi; başarjaň adamlar bo-
landyklary üçin, olar öz uruglaryna baş
boldular. [7]Şemagýanyň ogullary: Otny,
Repaýyl, Obet, Elzabat; olaryň dogan-
lary Elihu bilen Semakýa hem başarjaň
adamlardy. [8]Obededomyň ogullary, ag-
tyklary hem-de olaryň doganlary hyzmat
işine ökde altmyş iki adamdy. [9]Meşelem-
ýanyň başarjaň ogullarydyr doganlary
on sekiz adamdy.

[10]Merary kowumyndan bolan Hosanyň
ogullary: baştutan Şimri. Ol nowbahar
ogul bolmasa-da, kakasy ony baştu-
tan edipdi. [11]Ikinjisi Hilkiýa, üçünjisi
Tebalýa, dördünjisi Zakarýa. Hosanyň
ogullarynyň hem doganlarynyň jemi
sany on üçdür.

[12]Ine, kowumbaşylaryna görä der-
wezebanlaryň bölümleri şulardyr. Olar
hem öz doganlary ýaly Rebbiň öýünde
hyzmat etmäge borçludylar. [13]Olar öz
kowumlaryna görä uly-kiçä deňlik edip,
derwezeleri üçin bije atdylar. [14]Gündogar
tarapdaky derweze Şelemýanyň bijesine
düşdi. Onuň ogly parasatly geňeşçi Za-
karýa üçin hem bije atyldy; onuň bijesine
demirgazyk tarapdaky derweze düşdi.
[15]Obededomyň bijesine günorta tarap-
daky derweze, onuň ogullaryna bolsa
ammar jaýy düşdi. [16]Şupym bilen Hosa
ikisine günbatar tarapdaky, ýokary gal-
ýan ýoldaky Şalleket derwezesi düşdi.
Garawulçylyk nobatma-nobat bellenendi.
[17]Gündogar tarapdaky derwezede her
gün alty lewi, demirgazyk hem günorta
tarapdaky derwezeleriň hersinde her gün
dört lewi durýardy, ammar jaýynda bolsa
iki-ikiden durýardylar. [18]Günbatar tarap-
daky howluda – ýolda dört adam, howly
üçinem iki adam bellenendi. [19]Şular
Kora hem-de Merary kowumlaryndan
bolan derwezeban bölümleridi.

### *Hazynaçylar*

[20]Hudaýyň öýüniň hazynalary hem-de
berlen sadakalaryň hazynalary beýleki
lewileriň garamagyndady. [21]Gerşo-
nyň ogly Ladanyň neslinden Ýehiýel
urugbaşy boldy. [22]Ýehiýeli, onuň ogul-
lary we doganlary Zetam bilen Ýowel
Rebbiň öýüniň hazynalaryna garardylar.

[23]Imramlaryň, ýisharlaryň, heb-
ronlaryň, uzyýelleriň nesillerinden,
[24]Musanyň ogly Gerşomyň neslinden
Şebuwal hazynalaryň başlygydy. [25]Onuň
Elgezer tarapdan garyndaşlary şulardyr:
Eligezeriň ogly Rehabýa, Rehabýanyň
ogly Işaýa, Ýeşagýanyň ogly Ýoram, Ýo-
ramyň ogly Zikri, Zikriniň ogly Şelomyt.
[26]Şelomyt bilen onuň garyndaşlary Da-
wut patyşa, urugbaşylar, ýüzbaşylardyr
müňbaşylar hem-de beýleki goşunbaşy-
lar tarapyndan bagyş edilen hazynalaryň
baştutanlary boldular. [27]Rebbiň öýüni
saklamak üçin, olar uruşlarda alnan
oljalardan ol ýere sadakalar bererdiler.
[28]Şeýle hem Şamuwel görgür, Kişiň ogly
Şawulyň, Neriň ogly Abneriň, Seruýa-
nyň ogly Ýowabyň bagyş eden zatlary,
umuman, bagyş edilen zatlaryň ählisi
Şelomyt bilen onuň garyndaşlarynyň
gözegçiligi astyndady.

### *Beýleki lewileriň wezipeleri*

[29]Ýisharyň nesillerinden Konan-
ýa hem-de onuň ogullary Ysraýylyň

jemgyýetçilik işlerine baştutanlar, kazy-
lar hökmünde bellenipdiler. 30 Hebronyň
nesillerinden Haşabýa hem-de onuň
garyndaşlary – başarjaň adamlaryň bir
müň ýedi ýüzüsi Iordanyň günbataryn-
da ýaşaýan ysraýyllaryň Rebbiň ähli
hyzmatlaryna hem-de patyşanyň gullu-
gyna bellenipdiler. 31 Ýeriýa hebronlaryň
baştutanydy. Dawudyň patyşalygynyň
kyrkynjy ýylynda olaryň nesil daragt-
laryna seredildi. Şonda Gilgatdaky
Ýazerde hebronlaryň arasyndan edermen
adamlar tapyldy. 32 Olary hem-de olaryň
garyndaşlaryny – jemi iki müň ýedi
ýüz sany urugbaşylar bolan edermen
adamy Dawut patyşa Hudaýyň hem-de
patyşanyň işlerini etmek üçin rubenleriň,
gatlaryň hem-de gündogardaky manaşa
tiresiniň baştutany edip goýdy.

## 27-nji bap

### *Harby bölümler*

1 Ysraýyllaryň, olaryň kowumbaşyla-
rynyň, müňbaşylarydyr ýüzbaşylarynyň
hem-de beýleki emeldarlarynyň sanawy
aşakdaky ýalydyr. Olar aýba-aý gelip,
bölümleriň ähli işlerinde patyşa gulluk
edýärdiler. Her bölümde ýigrimi dört
müň adam bardy.
2 Birinji aý üçin birinji bölüme Zab-
dyýeliň ogly Ýaşobgam ýolbaşçylyk
edýärdi. Onuň bölüminde ýigrimi dört
müň adam bardy. 3 Ol Peresiň neslinden-
dir; ol birinji aý üçin ähli goşunbaşylaryň
başlygydy. 4 Ikinji aý üçin bellenen bö-
lüme ahowa urugyndan bolan Dodaý
ýolbaşçylyk edýärdi. Bölümiň baş ser-
kerdesi Miklotdy; bölümde ýigrimi
dört müň adam bardy. 5 Üçünji aý üçin
bellenen bölüme üçünji bir goşunba-
şy – ruhany Ýehoýadanyň ogly Benaýa
ýolbaşçylyk edýärdi; bölümde ýigrimi
dört müň adam bardy. 6 «Otuz ýigidiň»
edermen esgeri hem-de baştutany Be-
naýadyr. Onuň ogly Emizabat onuň
bölüminiň baş serkerdesidi. 7 Dördünji aý
üçin bellenen bölüme Ýowabyň dogany
Asahel ýolbaşçylyk edýärdi. Ondan soň
ogly Zebadýa boldy; onuň bölüminde-de
ýigrimi dört müň adam bardy. 8 Bäşinji
aý üçin bellenen bölümiň goşunbaşysy
Ýyzranyň nesli Şamhutdy; onuň bö-
lüminde-de ýigrimi dört müň adam
bardy. 9 Altynjy aý üçin bellenen bölüme
tekowaly Ikeşiň ogly Yra ýolbaşçylyk
edýärdi; onuň bölüminde-de ýigrimi
dört müň adam bardy. 10 Ýedinji aý üçin
bellenen bölüme efraýymlardan pelonly
Heles ýolbaşçylyk edýärdi; onuň bölü-
minde-de ýigrimi dört müň adam bardy.
11 Sekizinji aý üçin bellenen bölüme Ze-
ranyň nesli huşaly Sibekaý ýolbaşçylyk
edýärdi; onuň bölüminde-de ýigrimi
dört müň adam bardy. 12 Dokuzynjy aý
üçin bellenen bölüme benýaminlerden
anatotly Abygezer ýolbaşçylyk edýärdi;
onuň bölüminde-de ýigrimi dört müň
adam bardy. 13 Onunjy aý üçin bellenen
bölüme Zeranyň nesli netopaly Mahraý
ýolbaşçylyk edýärdi; onuň bölüminde-de
ýigrimi dört müň adam bardy. 14 On bi-
rinji aý üçin bellenen bölüme Efraýymyň
neslinden pirgatonly Benaýa ýolbaşçylyk
edýärdi; onuň bölüminde-de ýigrimi dört
müň adam bardy. 15 On ikinji aý üçin
bellenen bölüme Otniýeliň neslinden
netopaly Heldaý ýolbaşçylyk edýärdi;
onuň bölüminde-de ýigrimi dört müň
adam bardy.

### *Tirebaşylar*

16 Ysraýyl tirebaşylary şulardyr: Zikri-
niň ogly Eligezer – rubenleriň baştutany;
Magakanyň ogly Şepatýa – şimgon-
laryň baştutany; 17 Kemuwalyň ogly

Haşabýa – lewileriň baştutany; Sadok –
Harun nesliniň baştutany; 18 Dawudyň
garyndaşlaryndan Elihu – ýahudalaryň
baştutany; Mikaýylyň ogly Omry – ysa-
karlaryň baştutany; 19 Abadýanyň ogly
Ýyşmagýa – zebulunlaryň baştutany;
Azryýeliň ogly Ýerimot – naftalylaryň
baştutany; 20 Azazýanyň ogly Hoşeýa –
efraýymlaryň baştutany; Pedaýanyň
ogly Ýowel günbatardaky manaşa ti-
resiniň baştutany; 21 Zakarýanyň ogly
Ydo – Gilgatda oturýan manaşa tiresiniň
baştutany; Abneriň ogly Ýagsyýel – ben-
ýaminleriň baştutany; 22 Ýerohamyň
ogly Azarel – danlaryň baştutany. Şular
Ysraýyl tireleriniň baştutanlarydy.
23 Ýigrimi hem-de ondan kiçi ýaşlylary
Dawut hasaba almandy, sebäbi Reb Ys-
raýyly gökdäki ýyldyzlaryň sany kimin
köpeltmegi wada edipdi. 24 Seruýanyň
ogly Ýowap ilat ýazuwyny geçirmä-
ge girişenem bolsa, ol bu işi ahyryna
çenli alyp gitmedi. Sebäbi munuň üçin
Ysraýyla Rebbiň gahary geldi. Şeýdip,
soňkular Dawut patyşanyň taryh kita-
byna girizilmedi.

### *Dawudyň patyşalygynyň baştutanlary*

25 Adyýeliň ogly Azmawet patyşa-
nyň hazynaçysydy. Ýurduň, şäherleriň,
obalardyr galalaryň hazynaçysy bolsa
Uzyýanyň ogly Ýonatandy. 26 Ýer işi
üçin ekin meýdanlarynda işleýänlere
Kelubyň ogly Ezri baştutanlyk edýärdi.
27 Ramaly Şimgi üzüm baglaryna, şe-
pamly Zabdy üzüm baglaryndaky şerap
ammarlaryna, 28 gederli Bagalhanan
günbatar baýyrlykdaky zeýtun hem-de
ýabany injir agaçlaryna, Ýogaş ýag am-
marlaryna garaýardy. 29 Şaronly Şitraý
Şarondaky iri mallara, Adlaýyň ogly
Şapat jülgelerdäki iri mallara, 30 ysmaýyl
urugyndan bolan Obyl düýelere, mero-
notly Ýehdeýa eşeklere, 31 hagarly Ýazyz
dowarlara garaýardy. Şularyň hemmesi
Dawut patyşanyň mülklerine gözegçilik
eden adamlardy.
32 Dawudyň daýysy Ýonatan geňeşçi-
di; ol paýhasly adamdy hem-de kätipdi.
Hakmonynyň ogly Ýehiýel patyşanyň
ogullaryna seredýärdi. 33 Ahytopel paty-
şanyň geňeşçisidi, arky urugyndan bolan
Huşaý patyşanyň dostudy. 34 Ahytopel-
den soň Benaýanyň ogly Ýehoýada we
Abýatar geňeşçi boldy. Patyşa goşunynyň
serkerdesi bolsa Ýowapdy.

## 28-nji bap

### *Dawut ybadathananyň gurluşygy barada maslahat berýär*

1 Dawut Ysraýylyň ähli baştutanlary-
ny: tirebaşylary, patyşa gullugyndaky
bölümleriň goşunbaşylaryny, müňbaşy-
lardyr ýüzbaşylary, patyşanyň hem-de
ogullarynyň mülklerine, mallaryna
seredýänleriň baştutanlaryny, köşk emel-
darlaryny, edermen esgerleri we batyr
ýigitleriň ählisini Iýerusalime toplady.
2 Dawut patyşa turdy-da, olara şeýle
diýdi: «Doganlarym, halkym, maňa
gulak asyň! Men Hudaýymyzyň aýak
kürsüsi bolan Rebbiň Äht sandygyny
goýmak üçin öý gurmak niýetim bardy;
onuň üçin taýýarlygam gördüm. 3 Ýöne
Hudaý maňa: „Maňa öýi sen gurmar-
syň, sebäbi sen uruş adamysyň, sen gan
dökdüň“ diýdi. 4 Ýöne ebedilik patyşa
bolmagym üçin, Ysraýyl Hudaýy Reb
kakamyň maşgalasynyň arasyndan meni
saýlady. Ol Ýahudany baştutan saýlady,
Ýahudanyň neslinden kakamyň maşga-
lasyny saýlady. Bütin Ysraýyla patyşa
etmekde kakamyň ogullarynyň arasyn-
dan men Onuň göwnünden turdum. 5 Ol

maňa köp ogul berdi; menden soň Reb-
biň patyşalygyny dolandyryp, Ysraýyla
patyşa etmek üçin, Ol köp ogullarymyň
arasyndan Süleýmany saýlap-seçdi. 6 Ol
maňa şeýle diýdi: „Ogluň Süleýman Ma-
ňa ybadathana hem-de howlular gurmaly
adamdyr. Çünki Men ony Özüme ogul
saýladym, Menem onuň Atasy bolaryn.
7 Ol Meniň buýrukdyr hökümlerimi hä-
zirkisi ýaly gyşarnyksyz berjaý etmegini
dowam etdirse, Men onuň patyşalygyny
ebedileşdirerin“. 8 Indi, tutuş Ysraýylyň,
Rebbiň jemagatynyň gözüniň alnynda,
Hudaýa eşitdirip, men saňa Hudaýy-
myz Rebbiň ähli buýruklaryny ýerine
ýetirmegi buýurýaryn. Şeýtseňiz şu
eşretli topragyň eýesi bolarsyňyz we
ony özüňizden soň nesilleriňize baky
miras goýarsyňyz. 9 Süleýman, oglum,
sen bolsa ataňyň Hudaýyny tana, Oňa ak
ýürekden höwes bilen gulluk et. Çünki
Reb her bir kalby synaýandyr hem ähli
niýet-hyýallary bilýändir. Ony agtarsaň
taparsyň, ýöne terk edäýseň welin, Ol
senden müdimilik ýüz öwrer. 10 Ine, se-
ret, mukaddes öý gurmak üçin Reb seni
saýlady. Berk dur-da, işi ýerine ýetir».

11 Soňra Dawut ogly Süleýmana öýüň
eýwanynyň, jaýlarynyň, hazynalarynyň,
üstküdir içki otaglaryň, Äht sandygyň
gapagynyň nusgasyny berdi. 12 Şeýle
hem ol göz öňünde tutan ähli işleriniň:
Rebbiň öýüniň howlularynyň, onuň tö-
wereginde bolmaly jaýlaryň, Hudaýyň
öýüniň hazynalarynyň hem-de berlen
sadakalardyr hazynalary, 13 ruhanylar
hem-de lewiler toparlarynyň, Rebbiň
öýünde berjaý edilmeli hyzmat işleriniň,
Rebbiň öýünde ulanyljak esbaplaryň,
14 her bir iş üçin gerek boljak altyndyr
kümüş esbaplara sarp ediljek altynyň
hem-de kümşüň agramynyň, 15 altyn
çyradanlara we çyralara sarp ediljek
altynyň, altyn çyradanlardyr çyralaryň
her birine sarp ediljek altynyň agramy-
nyň, kümüşden ediljek çyradana we
çyra sarp ediljek kümşüň agramynyň
hersiniň ulanylyşyna görä, 16 hödür çö-
regi üçin ulanyljak her bir altyn hantagta
sarp ediljek altynyň agramynyň, kümüş
sekiler üçin kümşüň agramynyň, 17 sap
altyndan ediljek çarşaklara, legenlere,
küýzelere, jamlara sarp ediljek altynyň
agramynyň, kümüş jamlara sarp ediljek
kümşüň agramynyň, 18 ýakymly ysly tü-
tetgi sypasy üçin sarp ediljek sap altynyň
agramynyň, ganatlaryny ýaýyp, Rebbiň
Äht sandygyny büräp oturan keruplar
üçin altyn arabanyň teswirini berdi.

19 Soňra Dawut patyşa: «Şularyň ba-
rynyň nusgalary maňa Reb tarapyndan
ýazuw üsti bilen berildi» diýdi. 20 Da-
wut ýene ogly Süleýmana şeýle diýdi:
«Güýçli hem mert bol, işe başla! Gorkma,
aljyrama, çünki meniň Hudaýym Hök-
mürowan Reb seniň bilendir. Rebbiň
öýüniň hyzmat işleriniň ählisi tamam-
lanman, Ol seni taşlamaz, terk etmez.
21 Ine, şular Hudaýyň öýüniň ähli hyz-
matyny ýerine ýetirmeli ruhanylardyr
lewileriň toparlarydyr. Şu işleriň ählisi
üçin başarnykly döwtalaplaryň hemme-
si seniň ýanyňda bolar. Ýolbaşçylardyr
ähli halk hem seniň diýeniň bilen bolar».

## 29-njy bap

### *Ybadathananyň gurluşygy üçin sadakalar*

1 Dawut halka şeýle diýdi: «Huda-
ýyň saýlany, oglum Süleýman heniz
ýaş hem tejribesiz, edilmeli iş bolsa
uly. Çünki ybadathana ynsan üçin däl-
de, Hökmürowan Reb üçindir. 2 Men
güýjümiň ýetdiginden Hudaýymyň
öýi üçin altyndan ýasalmaly zatlar

üçin – altyn, kümüşden ýasalmaly zat-
lar üçin – kümüş, bürünçden ýasalmaly
zatlar üçin – bürünç, demirden ýasalmaly
zatlar üçin – demir, agaçdan ýasalmaly
zatlar üçin – agaç, köp möçberde hakyk
hem-de oturtma daşlar, bezeg daşlary,
dürli reňkli daşlar, gymmatbaha daş-
laryň ähli görnüşini we köp möçberde
mermer taýýarladym.
3 Üstesine-de, Hu-
daýymyň öýüne bolan söýgim sebäpli,
mukaddes ybadathana üçin şu taýýarlan
zatlarymdan daşary meniň öz hususy
altyn hem kümüş hazynam bar. Men
şony-da Hudaýymyň öýüne berdim.
4 Ol
bäş müň batman [a] Opyr altynyndan, yba-
dathananyň diwarlarynyň ýüzüne çaýar
ýaly on iki müň batman [b] ýokary hilli
kümüşden ybaratdyr.
5 Hünärmentleriň
etjek her işi üçin, altyn zatlar üçin altyn,
kümüş zatlar üçin kümüş berýärin. Kim
bu gün meýletinlik bilen zat hödür edip,
özüni Rebbe bagyş etjek?»

6 Soňra urugbaşylardyr tire baştu-
tanlary, müňbaşylardyr ýüzbaşylar, şa
gullugyndaky baştutanlar meýletin
gurbanlyklar berdiler.
7 Olar Hudaýyň
ybadathanasynyň hyzmaty üçin sekiz
müň bäş ýüz dört batman [ç] altyn, on
ýedi müň batman [d] kümüş, otuz müň
batman [e] bürünç hem-de bir ýüz ýetmiş
müň batman [ä] demir berdiler.
8 Kimde
gymmatbaha daşlar bar bolsa, olary
Rebbiň ybadathanasynyň hazynasy üçin
gerşon urugyndan Ýehiýele tabşyrdylar.
9 Adamlar gaty şatlandylar, çünki olar
Rebbe beren zatlaryny meýletinlik bilen,
çyn ýürekden beripdiler. Dawut patyşa
hem gaty şatlandy.

### *Dawudyň dilegi*

10 Soň Dawut tutuş halkyň öňünde
Rebbi alkyşlap, şeýle diýdi: «Eý, Ata-
myz Ysraýyl Hudaýy Reb, Saňa ezelden
ebedä çenli alkyş bolsun!
11 Beýiklik,
güýç-gudrat, şöhrat, ýeňiş hem belent-
lik Seniňkidir, gökdäki hem ýerdäki
zatlaryň hemmesi Seniňkidir; patyşalyk
hem Seniňkidir, ýa Reb! Sen ählisinden
belentsiň.
12 Baýlyklardyr sylag-hormat
Senden gelýär, Sen ählisiniň üstünden
höküm sürýärsiň. Güýç hem kuwwat
Seniň eliňdedir. Ähli zady belent ýa-da
kuwwatly etmek Seniň eliňdedir.
13 Indi,
eý, Hudaýymyz biz Saňa minnetdarlyk
bildirýäris, Seniň şöhratly adyňa alkyş
okaýarys.

14 Ýöne şunuň ýaly meýletin zat hödür-
lär ýaly men kim, meniň halkym kim?
Bize ähli zat Senden gelýär; Saňa Öz
beren zadyňdan yzyna berýäris.
15 Biz
Seniň öňüňde ata-babalarymyz ýaly
gelmişek hem-de mysapyrdyrys. Biziň
ýerdäki durmuşymyz edil kölege ýaly-
dyr, umytsyzdyr.
16 Eý, Hudaýymyz Reb,
Seniň mukaddes adyňa öý gurmak üçin
taýýarlan şu bolçulyklarymyzyň hem-
mesini Sen berdiň; olaryň bary Seniň
Özüňkidir.
17 Seniň kalby synaýandy-
gyňy we kalby päkligi halaýandygyňy
men bilýärin, eý, Hudaýym! Şu zatlaryň

[a] **29:4 *Bäş müň batman*** – ýewreýçe *üç müň kikkar*. Bu takm. 100 tonna deňdir.
[b] **29:4 *On iki müň batman*** – ýewreýçe *ýedi müň kikkar*. Bu takm. 240 tonna deňdir.
[ç] **29:7 *Sekiz müň bäş ýüz dört batman*** – ýewreýçe *bäş müň kikkar on müň darik*. Bu 170 tonnadan gowrakdyr.
[d] **29:7 *On ýedi müň batman*** – ýewreýçe *on müň kikkar*. Bu takm. 340 tonna deňdir.
[e] **29:7 *Otuz müň batman*** – ýewreýçe *on sekiz müň kikkar*. Bu takm. 610 tonna deňdir.
[ä] **29:7 *Bir ýüz ýetmiş müň batman*** – ýewreýçe *ýüz müň kikkar*. Bu takm. 3400 tonna deňdir.

hemmesini men öz päk kalbym bilen
meýletin berdim. Häzir men Seniň şu
ýere ýygnanan halkyňyň meýletinlik
hem şatlyk bilen sadaka berýändigini
görýärin. 18 Eý, Ybraýymyň, Yshagyň,
Ysraýylyň, biziň ata-babalarymyzyň
Hudaýy, Öz halkyňyň kalbynda şeýle
niýetleri baky sakla, olaryň kalbyny
Özüňe tarap öwür. 19 Seniň tabşyrykla-
ryňy, düzgünleriňi, parzlaryňy – şularyň
hemmesini berjaý eder ýaly, meniň taý-
ýarlyk gören ybadathanamy gurary ýaly,
oglum Süleýmana sadyk ýürek ber».
20 Soň Dawut tutuş halka: «Hudaýyňyz
Rebbe alkyş okaň» diýip ýüzlendi. Tutuş
halk öz ata-babalarynyň Hudaýy Rebbe
alkyş okadylar. Olar baş egip, Rebbe
sežde, patyşa-da tagzym etdiler.

21 Ertesi gün olar Rebbe müň öküz,
müň goç, müň guzy, içgi sadakalary-
ny hem-de tutuş Ysraýyl üçin ençeme
sadakalar berdiler. 22 Olar şol gün Reb-
biň öňünde uly şatlyk-şagalaň bilen
iýip-içdiler.

### *Süleýman patyşalyga bellenilýär*

Dawudyň ogly Süleýmany ikilenç
patyşa etdiler. Ony Rebbe hökümdar-
lyga, Sadogy hem ruhanylyga belledi.
23 Kakasy Dawudyň patyşalygyny miras
alyp, Süleýman Rebbiň beren tagtynda
oturdy. Onuň işi rowaç aldy, tutuş Ys-
raýyl oňa eýerdi. 24 Ähli nökerler, batyr
ýigitler, Dawudyň ähli ogullary Süleý-
mana wepaly bolmaga wada berdiler.
25 Reb tutuş Ysraýylyň gözüniň alnynda
Süleýmany belende göterdi we heniz Ys-
raýylda hiç bir patyşanyň eýe bolmadyk
şalyk belentligini oňa berdi.

### *Dawudyň ölümi*

26 Şeýdip, Ýyşaýyň ogly Dawut tu-
tuş Ysraýyla şalyk etdi. 27 Ol Ysraýylda
jemi kyrk ýyl şalyk sürdi. Ol şonuň
ýedi ýylyny Hebronda, otuz üç ýylyny
bolsa Iýerusalimde geçirdi. 28 Dawut
ýaşy birçene baryp, garrap, mal-döw-
letdir şöhratdan doýup dünýäden ötdi.
Onuň ýerine ogly Süleýman patyşa
boldy. 29 Dawut patyşanyň eden işleri
başdan-aýak Şamuwel görgüriň, Natan
pygamberiň we Gat görgüriň kitabyn-
da ýazylandyr. 30 Bu kitaplarda onuň
nähili şalyk sürendigi, güýç-kuwwaty-
nyň neneňsi bolandygy, onuň hem-de
Ysraýylyň başdan geçiren wakalary
we dünýäniň ähli patyşalary hakynda
ýazylandyr.

# Ýyl ýazgylary

## Ikinji kitap

## Giriş

*Ýyl ýazgylarynyň* ikinji kitaby Süleýman pygamberiň şalyk süren döwründen tä onuň ölümine çenli bolan döwri öz içine alýar. Kitapda Ýerobgamyň baştutanlygynda demirgazyk tireleriň Süleýman patyşanyň ogly Rehobgam patyşa garşy eden gozgalaňy, şeýle hem gündogar patyşalygy Ýahudanyň tä b. e. öň 586-njy ýylda Iýerusalimiň synmagyna çenli bolan döwrüň taryhy beýan edilýär.

***Mazmuny***


Süleýmanyň şalyk sürmegi ........ *1:1–9:31*
Irki ýyllar ........ *1:1-17*
Ybadathana gurulýar ........ *2:1–7:10*
Soňky ýyllar ........ *7:11–9:31*
Demirgazyk tireleriniň gozgalaňy ........ *10:1-19*
Ýahudanyň patyşalary ........ *11:1–36:12*
Iýerusalimiň synmagy ........ *36:13-23*


### 1-nji bap

***Süleýman Hudaýdan pähim-paýhas dileýär***
*(1 Patyşalar 3:1-15)*

1 Dawudyň ogly Süleýman öz patyşa-
lygyny berkitdi. Hudaýy Reb onuň bilen
bolup, ony juda beýgeltdi. 2 Süleýman tu-
tuş Ysraýyly: müňbaşylary, ýüzbaşylary,
kazylary, Ysraýylyň ähli baştutanlaryny
we urugbaşylary çagyrdy. 3 Onsoň Sü-
leýman ýanyndaky bütin jemagat bilen
Gibgondaky seždegähe gitdiler. Rebbiň
guly Musanyň çölde guran Hudaýa ýüz
tutulýan çadyry şol ýerdedi. 4 Dawut
Hudaýyň sandygyny Kirýatýegarymdan
Iýerusalime onuň üçin taýýarlan çady-
ryna getiripdi. 5 Huruň agtygy, Urynyň
ogly Besaleliň bürünçden ýasan gur-
banlyk sypasy bolsa Gibgonda Rebbiň
mukaddes çadyrynyň öňündedi. Şoňa
görä Süleýman bilen jemagat ol ýe-
re Rebden maslahat soramaga gitdiler.
6 Süleýman ol ýerde Rebbiň huzurynda
mukaddes çadyrdaky bürünçden bolan
gurbanlyk sypasyna gelip, onda müň
sany ýakma gurbanlygyny hödürledi.

7 Şol gije Hudaý Süleýmana görnüp,
oňa: «Dile, dilän zadyňy bereýin» diýdi.

8 Süleýman Hudaýa şeýle jogap ber-
di: «Sen meniň kakam Dawuda beýik,
sadyk söýgiňi görkezip, meni onuň ýe-
rine patyşa etdiň. 9 Ýa Hudaýymyz Reb,
goý, indi kakam Dawuda beren wadaň
amala aşsyn, çünki Sen meni ýeriň to-
zy ýaly san-sajaksyz bolan bir halkyň
üstünden patyşa etdiň. 10 Indi şu halky
dolandyrmagym üçin maňa danalyk hem
bilim ber. Kim Seniň bu beýik halkyňy
dolandyryp biler?» 11-12 Hudaý Süleý-
mana şeýle diýdi: «Kalbyňda şu islegiň
bardygy üçin, özüňe mal-mülk, baýlyk,
at-abraý ýa öz duşmanlaryňyň ölümini
ýa-da özüň üçin uzak ömür dilemän,
eýsem üstünden patyşalyga bellän halky-
my dolandyrmaga özüňe pähim-paýhas
we düşünje diländigiň üçin, Men saňa
paýhas we düşünje berýärin. Şeýle hem
Men saňa senden öň hiç kimde bolmadyk
we senden soň hem hiç kimde bolmajak
baýlyk, mal-mülk we at-abraý bererin».

### *Süleýmanyň harby we täjirçilik işleri*
*(1 Patyşalar 10:26-29)*

13 Şeýdip, Süleýman Gibgondaky
seždegähden, Rebbiň mukaddes ça-
dyryndan Iýerusalime gelip, Ysraýyla
patyşalyk etdi. 14 Süleýman söweş ara-
balary bilen arabaly esgerleri toplady.
Onuň bir müň dört ýüz söweş arabasy,
on iki müň söweş arabaly esgeri bardy.
Süleýman olaryň birnäçesini öz ýanynda
Iýerusalimde, galanlaryny bolsa söweş
arabalarynyň saklanýan galalarynda ýer-
leşdirdi. 15 Patyşa Iýerusalimde kümüş
bilen altyny daşlar bilen deň etdi, kedr
agajyny bolsa günbatar baýyrlykda gö-
gerýän ýabany injir agajy kimin köpeltdi.
16 Süleýmanyň atlary Müsürden we Ke-
weden getirildi; patyşanyň täjirleri olary
Keweden belli bir baha satyn aldylar.
17 Müsürden getirilýän söweş arabasy-
nyň her biri on ýedi gadak [a] töweregi
kümşe, her bir at bolsa dört gadakdan [b]
gowrak kümşe satyn alyndy. Şeýdip, bu
söweş arabalary we atlar Süleýmanyň
täjirleriniň üsti bilen bütin hetleriň we
Siriýanyň şalaryna satylýardy.

## 2-nji bap

### *Süleýman ybadathanany gurmaga taýýarlyk görýär*
*(1 Patyşalar 5:1-18)*

1 Süleýman Rebbe ybadat öýüni we
özüne köşk gurmak kararyna geldi. 2 Ol
dagda ýetmiş müň sany hammaly, seg-
sen müň sany daş ýonujyny we olaryň
üstünden gözegçilik eder ýaly üç müň
alty ýüz sany adamy toplady.
3 Süleýman Sur patyşasy Hurama [ç]
çapar iberip şeýle diýdi: «Özüne ýaşar
ýaly köşk gurunsyn diýip, kakam Da-
wuda iberen kedr agaçlaryňdan maňa-da
ibermegiňi towakga edýärin. 4 Ine, men
Hudaýym Rebbe öý gurup, ol öýi Oňa
bagyş etmekçi bolýaryn. Ol öýde Rebbiň
huzurynda ýakymly ysly tütetgi ýakylar,
gündeki hödür çöregi hödürlener, Sabat
günlerinde, Täze Aý baýramlarynda we
beýleki baýramlarda ertirlik we agşam-
lyk ýakma gurbanlyklary hödürlener.
Bular Ysraýyl üçin ebedi parzdyr. 5 Biziň
Hudaýymyzyň beýleki ähli hudaýlardan
beýik bolşy ýaly, meniň gurjak öýüm
hem beýik bolar. 6 Emma Oňa öý gur-
maga kimiň güýji ýeter? Ony hatda

---

[a] **1:17** ***On ýedi gadak*** – ýewreýçe *alty ýüz şekel*. Bu takm. 7 kg deňdir.
[b] **1:17** ***Dört gadak*** – ýewreýçe *bir ýüz elli şekel*. Bu takm. 1,7 kg deňdir.
[ç] **2:3** ***Huram*** – bu at 2Şam we 1Pat kitaplarynda *Hiram* diýip duş gelýär.

gök-de, gökleriň gögi-de içine sygdyryp
bilmeýär! Onsoň Oňa öý gurar ýaly men
kimmişim? Men bu öýi Onuň huzuryn-
da ýakymly ysly tütetgi ýakmak üçin
gurýaryn. 7 Ýahudada we Iýerusalimde
öz ýanymdaky kakam Dawudyň taýýar-
lan ökde ussalary bilen işlär ýaly maňa
altyn, kümüş, bürünç, demir işlerine,
goýy badam, gyrmyzy we gök ýüplük
boýaglaryna, şeýle hem oýma işlerine
ussat hünärment ibermegiňi towakga
edýärin. 8-9 Maňa ýene Liwandan kedr,
serwi we sandal agaçlaryny iber. Men
seniň işçileriňiň Liwanda agaç kesmäge
ussatdyklaryny bilýärin. Maňa bol agaç
taýýarlamak üçin meniň işçilerim seniň
işçileriň bilen bile işlärler. Meniň gur-
jak öýüm juda uly we gözel bolar. 10 Ine,
men seniň agaç kesýän işçileriňe kyrk
müň çuwal [a] üwelen bugdaý, kyrk müň
çuwal arpa, ýedi müň hum [b] şerap we
ýedi müň hum zeýtun ýagyny bererin».
11 Onsoň Sur patyşasy Huram Süleý-
mana hat üsti bilen jogap gaýtardy: «Reb
Öz halkyny söýensoň, seni olaryň üs-
tünden patyşa goýdy». 12 Huram sözüni
şeýle dowam etdi: «Gögi we ýeri ýaradan
Ysraýyl Hudaýy Rebbe alkyş bolsun!
Reb Dawut patyşa pähim-paýhasdan
we düşünjeden doly akylly ogul berdi.
Şol ogul Rebbe öý we özüne köşk gu-
rar. 13 Men saňa Huramaby atly ökde we
düşünjeli bir ussany ýollaýaryn. 14 Onuň
ejesi danlardan bolup, kakasy hem sur-
ludy. Huramaby altyn, kümüş, bürünç,
demir, daş, agaç işlerine ökdedir. Ol
badam, gök, gyrmyzy ýüplük we nepis
zygyr matalary bilen hem işläp bilýär.
Şeýle-de ol oýma işlerine we özüne ber-
len islendik nusga bilen işlemäge ökdedir.
Ol seniň ussalaryň we jenabym – kakaň
Dawudyň ussalary bilen işlär. 15 Indi, goý,
jenabym wada beren bugdaýyny, arpa-
syny, zeýtun ýagyny we şerabyny öz
gullaryna ibersin. 16 Biz saňa Liwandan
näçe agaç gerek bolsa kesip, olary bogup,
Ýafo deňziniň üsti bilen akdyryp getire-
ris; sen-de ony Iýerusalime äkidersiň».
17 Onsoň Süleýman kakasy Dawudyň
hasaba alşy ýaly, Ysraýylda ýaşaýan
gelmişekleriň baryny hasaba aldy. Gelmi-
şekleriň sany bir ýüz elli üç müň alty ýüz
boldy. 18 Süleýman olardan ýetmiş müň
adamy ýük daşamaga, segsen müň ada-
my dagda daş ýonmaga, üç müň alty ýüz
adamy-da işgärlere gözegçilige belledi.

## 3-nji bap

***Süleýman ybadathana gurýar***
*(1 Patyşalar 6:1-38)*

1 Süleýman Iýerusalimde kakasy Da-
wuda Rebbiň görnen Moryýa dagyndaky,
Dawudyň taýýarlan ýeri – ýabusly Or-
nanyň harmanynda Rebbiň öýüniň
gurluşygyna başlady. 2 Süleýman pa-
tyşalygynyň dördünji ýylynyň ikinji
aýynyň ikisi güni öýüň gurluşygyna
başlady. 3 Süleýman patyşanyň Hudaý
üçin guran öýüniň uzynlygy öňki ölçeg
boýunça altmyş tirsek, ini ýigrimi tir-
sekdi. 4 Öýüň öňündäki eýwanyň boýy
öýüň inine görä ýigrimi tirsekdi; onuň
beýikligi bir ýüz ýigrimi tirsekdi. Sü-
leýman onuň iç tarapyny sap altyna
gaplady. 5 Ol uly otagy serwi agajy bilen
örtüp, ony sap altyna gaplady we onuň
üstüne palma agajynyň hem-de zynjyryň
nagşyny saldy. 6 Süleýman öýi owadan,
gymmatbaha daşlar bilen bezedi. Altyn

[a] **2:10** ***Kyrk müň çuwal*** – ýewreýçe *ýigrimi müň kor*. Bu takm. 3000 tonna deňdir.
[b] **2:10** ***Ýedi müň hum*** – ýewreýçe *ýigrimi müň bat*. Bu takm. 440000 litre deňdir.

Parwaýymdan getirilipdi. 7Şeýdip, ol öýe,
onuň pürslerine, gapy bosagalaryna, di-
warlaryna altyn çaýdy. Ol diwarlara oýup,
keruplaryň şekilini çekdi. 8Süleýman iň
mukaddes otagy-da gurdy; onuň boýy
öýüň inine görä ýigrimi tirsek, ini hem
ýigrimi tirsekdi; ol mukaddes otagy bir
müň ýigrimi batman [a] sap altyna gapla-
dy. 9Altyn çüýleriň agramy bir ýarym
gadak [b] töweregidi. Süleýman ýokarky
otaglary-da altyna gaplady. 10Süleý-
man iň mukaddes otagda iki kerubyň
heýkelini ýasap, olary altyna gaplady.
11Keruplaryň ganatlarynyň uzynlygy
ýigrimi tirsekdi. Bir kerubyň bir ganaty-
nyň uzynlygy bäş tirsek bolup, ol öýüň
diwaryna degýärdi, beýleki ganatynyň
uzynlygy bäş tirsek bolup, ol beýleki
kerubyň ganatyna degýärdi. 12Ikinji
kerubyň bir ganatynyň uzynlygy bäş
tirsek bolup, ol öýüň beýleki diwaryna
degýärdi, beýleki ganatynyň uzynly-
gy bäş tirsek bolup, ol birinji kerubyň
ganatyna degýärdi. 13Bu keruplaryň
ganatlarynyň uzynlygy jemi ýigrimi
tirsekdi. Keruplar uly otaga tarap se-
redip, aýaklarynyň üstünde durdular.
14Süleýman tutyny gök, goýy gyrmyzy,
al ýüpeklerden we nepis zygyr matadan
etdi, ýüzüne keruplaryň nagşyny saldy.

### *Iki sütün*
*(1 Patyşalar 7:15-22)*

15Ol öýüň öňünde beýikligi otuz bäş
tirsek bolan iki sany sütün ýasady. Her
sütüniň ýokarsynda bäş tirsek bolan
täç bardy. 16Tor şekilli örme zynjyrlar
ýasalyp, her sütüniň depesi olar bilen
bezelendi. Süleýman ýüz sany nar ýasap,
olary zynjyrlaryň üstünde goýdy. 17Ol
sütünleri öýüň öňünde dikdi. Ol gün-
ortada sütün dikip, ony Ýakin diýip
atlandyrdy. Beýlekisini demirgazykda
dikip, ony Bowaz diýip atlandyrdy.

## 4-nji bap

### *Öýüň goşlary*
*(1 Patyşalar 7:23-51)*

1Süleýman uzynlygyny we inini ýig-
rimi tirsek, beýikligini on tirsek edip,
bürünçden gurbanlyk sypasyny ýasatdy.
2Soňra ol bir gyrasyndan beýleki gyrasy-
na çenli on tirsek, beýikligini bäş tirsek
edip, guýma bürünçden tegelek howuz
ýasady. Onuň töweregi otuz tirsekdi.
3Howzuň erňeginiň aşagynda daşyna
aýlanan, hersi on tirsek bolan iki ha-
tar öküz şekilli guýma nagyşlar bardy.
Olar howuz bilen bile guýlup ýasalandy.
4Howuz on iki öküziň üstünde durdy;
öküzleriň üçüsi demirgazyga, üçüsi
günbatara, üçüsi günorta, galan üçüsi
hem gündogara bakyp durdy. Howuz
olaryň üstünde ýerleşdirilip, öküzleriň
arkasy iç tarapa bakyp durdy. 5Howzuň
galyňlygy dört barmak bolup, erňegi
käsäniň erňegi ýaly açylan liliýa gülü-
niň şekilindedi. Ol bir müň elli hum [ç]
tutýardy. 6Şeýle hem ol zatlary ýuwar
ýaly on sany bürünç legen ýasady. Ola-
ryň bäşisini günorta tarapda, beýleki
bäşisini demirgazyk tarapda goýdy. Bu
legenlerde ýakma gurbanlyk üçin ulany-
lan zatlar ýuwuldy. Howuz ruhanylaryň
ýuwunmagy üçindi. 7Ol berlen nusga
görä, sap altyndan on sany çyradany
ýasap, olaryň bäşisini ybadathananyň

---

[a] **3:8 *Bir müň ýigrimi batman*** – ýewreýçe *alty ýüz kikkar*. Bu takm. 21 tonna deňdir.
[b] **3:9 *Bir ýarym gadak*** – ýewreýçe *elli şekel*. Bu takm. 600 gr deňdir.
[ç] **4:5 *Bir müň elli hum*** – ýewreýçe *üç müň bat*. Bu takm. 66000 litre deňdir.

günorta tarapynda, beýleki bäşisini-de
demirgazyk tarapynda goýdy. 8 Ol on
sany hantagta ýasap, olary ybadathana-
da – bäşisini günorta tarapda, beýleki
bäşisini-de demirgazyk tarapda goýdy.
Ol ýüz sany altyn legen ýasady. 9 Ol
ruhanylaryň howlusyny, uly howlyny
we howlynyň gapylaryny ýasap, olary
bürünje gaplady. 10 Howzy öýüň sag ta-
rapynda – günorta-gündogar burçunda
ýerleşdirdi. 11-15 Huramaby şeýle hem,
gazanlar, kül atarlar we legenler ýasady.
Bulardan başga-da, ol iki sütüni, sü-
tünleriň depesindäki jam şekilli iki täji,
şol täçleri bezäp duran iki sany örme
zynjyry, şol zynjyrlara iki hatar edip
dakmak üçin dört ýüz sany nary, araba-
lary, arabalaryň üstündäki legenleri, bir
sany howzy hem-de howzuň astyndaky
on iki öküzi ýasady. Şeýdip, Hurama-
by Hudaýyň öýünde Süleýman patyşa
üçin etmeli işleriniň baryny tamamlady.
16 Gazanlar, kül atarlar, çarşaklar we Hu-
ramabynyň Rebbiň öýi üçin Süleýman
patyşa ýasap beren enjamlary ýalpyl-
dawuk bürünçdendi. 17 Patyşa bulary
Iordan düzlüginde, Sukot bilen Sareta-
nyň arasyndaky toýun toprakly ýerde
guýdurdy. 18 Süleýman ummasyz köp
gap-gaçlary ýasatdy, şoňa görä sarp
edilen bürünjiň agramy anyklanmady.
19-22 Şeýdip, Süleýman Hudaýyň öýün-
däki ähli enjamlary: altyndan edilen
sypany, üstünde Rebbe hödür çöregi
goýulýan hantagtasyny, düzgün boýunça
iň mukaddes otagyň öňünde ýakmak
üçin sap altyn çyradanlary çyralary bilen,
sap altyn gülleri, çyralary, ätişgirleri,
sap altyn müçenekleri, pelte gaýçysyny,
legenleri, jamlary, maňňallary ýasatdy.
Öýüň girelgesi – iň mukaddes otagyň
hem-de öýüň mukaddes otagynyň ga-
pylary altyndy.

## 5-nji bap

***Süleýman Äht sandygyny ybadathana getirdýär***
*(1 Patyşalar 8:1-9)*

1 Şeýdip, Süleýman patyşanyň Rebbiň
öýi üçin etmeli ähli işleri tamamlandy.
Süleýman kakasy Dawut tarapyndan
öýe bagyş edilen ähli zatlary: kümşi,
altyny we ähli enjamlary getirip, Huda-
ýyň öýündäki hazynada goýdy. 2 Onsoň
Süleýman Rebbiň Äht sandygyny Dawut
galasy bolan Sion galasyndan getirt-
mek üçin, Ysraýylyň ýaşulularyny, ähli
tirebaşylaryny, ysraýyllaryň urugba-
şylaryny Iýerusalime ýygnady. 3 Bütin
ysraýyl halky ýedinji aýda bolýan Çatma
baýramynda patyşanyň ýanyna ýyg-
nanyşdy. 4 Bütin Ysraýylyň ýaşululary
geldiler we lewiler sandygy göterdiler.
5 Şeýdip, olar sandygy, Rebbe ýüz tutu-
lýan çadyry hem-de çadyryň içindäki
ähli mukaddes enjamlary getirdiler. Bu-
laryň baryny ruhanylar bilen lewiler
getirdiler. 6 Süleýman patyşa we onuň
huzuryna ýygnanan bütin ysraýyl halky
Äht sandygynyň öňündedi. Olar san-sa-
jaksyz goýunlary, öküzleri gurbanlyk
berdiler. 7 Soňra ruhanylar Rebbiň Äht
sandygyny öz ýerine, Rebbiň öýüniň iň
mukaddes otagyna, keruplaryň ganatla-
rynyň astyna getirip goýdular. 8 Keruplar
ganatlaryny sandygyň üstüne gerip, san-
dygyň-da, onuň syryklarynyň-da üstüni
örtýärdi. 9 Syryklar şeýle uzyndy welin,
hatda olaryň uçlary iň mukaddes otagyň
öňündäki mukaddes ýerdenem görnüp
durdy, ýöne daşardan görünmeýärdi.
Olar şu güne çenli hem şol ýerdedir.
10 Sandygyň içinde Musanyň goýan iki
sany kanun ýazylan daş böleginden
başga hiç zat ýokdy. Musa bu iki daş

bölegini ysraýyl halky Müsür ýurdundan
çykandan soň, Rebbiň olar bilen äht eden
ýeri bolan Horep [a] dagynda sandyga sa-
lypdy. 11 Ruhanylar mukaddes otagdan
daşary çykdylar. Ol ýerdäki ruhanylaryň
ählisi toparlaryna garamazdan, inlerini
tämizläpdiler. 12 Ähli lewi nagmaçylary:
Asaf, Heýman, Ýedutun, olaryň ogullary
we garyndaşlary nepis zygyr mata ly-
baslaryna beslenip, kimwallary, liralary
we arfalary bilen gurbanlyk sypasynyň
gündogar tarapynda ýüz ýigrimi sany
surnaýçy ruhany bilen durdular. 13 Sur-
naýçylar bilen nagmaçylar bir adam ýaly
bolup, Rebbe alkyş aýdyp, şükür etdi-
ler. Surnaýlardyr kimwallar we beýleki
saz gurallary bilen seslerini gataldyp:
«Ol ýagşy, Onuň söýgüsi baky» diýip,
Rebbe alkyş aýdanlarynda, öý – Rebbiň
öýi bulutdan doldy. 14 Ruhanylar bulut
sebäpli Rebbiň huzurynda hyzmata du-
rup bilmediler, çünki Rebbiň şöhraty
Hudaýyň öýüni doldurypdy.

## 6-njy bap

### *Süleýman halka ýüzlenýär*
*(1 Patyşalar 8:12-21)*

1 Şonda Süleýman şeýle diýdi: «Reb
tüm garaňkylykda mesgen tutjakdygyny
aýtdy. 2 Men Saňa baky mesgen tutaryň
ýaly, uçursyz gözel öý gurdum». 3 On-
soň patyşa halka tarap öwrülip, bütin
ysraýyl jemagatyna ak pata berdi. Bütin
ysraýyl jemagaty dik durdy. 4-5 Süleýman
şeýle diýdi: «Kakam Dawuda: „Men Öz
halkymy Müsürden çykaralym bäri, Ma-
ňa ybadat etmäge öý gurmaklary üçin
ysraýyl tirelerinden ýekeje şäheri-de saý-
lamadym. Men ysraýyl halkyma şalyk
eder ýaly hiç kimi saýlamadym. 6 Ýöne
indi adym şol ýerde bolsun diýip, Iýe-
rusalimi saýladym we ysraýyl halkyma
şalyk etsin diýip, Dawudy patyşalyga
saýladym“ diýip beren wadasyny ber-
jaý eden Ysraýyl Hudaýy Rebbe alkyş
bolsun! 7 Kakam Dawut Ysraýyl Hudaýy
Rebbe ybadat üçin öý gurmagy ýüregine
düwüpdi. 8-9 Emma Reb kakam Dawuda:
„Maňa ybadat üçin öý gurmagy ýüregi-
ňe düwmek bilen sen gowy etdiň; ýöne
şeýle-de bolsa, öýi sen gurmarsyň. Seniň
biliňden önen ogluň Maňa ybadat üçin
öý gurar“ diýdi. 10 Ine, Hudaý Öz beren
wadasyny berjaý etdi, çünki men kakam
Dawudyň ýerine geçdim. Rebbiň wada
berşi ýaly, men Ysraýylyň tagtynda
otyryn. Ysraýyl Hudaýy Rebbe ybadat
üçin öý gurdum. 11 Sandygy men şol öý-
de goýdum. Rebbiň ysraýyl halky bilen
eden ähti şonuň içindedir».

### *Süleýmanyň dilegi*
*(1 Patyşalar 8:22-52)*

12 Soňra Süleýman Rebbiň gurbanlyk
sypasynyň hem bütin ysraýyl halkynyň
öňünde durup, ellerini uzatdy. 13 Sü-
leýman uzynlygy we ini bäş tirsek,
beýikligi üç tirsek bolan bürünç seki
ýasadyp, ony howluda goýdy-da, onuň
üstünde durdy. Soňra ol bütin ysraýyl
halkynyň öňünde dyza çöküp, ellerini
göge tarap uzatdy: 14 «Eý, Ysraýyl Huda-
ýy Reb, ýerde-de, gökde-de Seniň ýaly
Hudaý ýokdur! Bütin kalplary bilen
ýoluňdan ýöreýän gullaryň üçin Sen
ähtiňi, sadyk söýgiňi saklaýarsyň. 15 Sen
guluň kakam Dawuda beren wadaňy
berjaý etdiň. Şu gün Seniň ähli aýdan
sözleriň amala aşdy. 16 Şonuň üçin hem,
eý, Ysraýyl Hudaýy Reb, guluň kakam
Dawuda: „Eger seniň ogullaryň Maňa

[a] **5:10** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

gulak asyp, seniň ýöreýşiň ýaly, Meniň
hakykat ýolumdan ýöreseler, seniň nes-
liňden hiç bir adam Ysraýylyň tagtyndan
aýrylmaz“ diýip beren wadaňy berjaý et.
17 Şonuň üçin hem, eý, Ysraýyl Hudaýy
Reb, goý, guluň kakam Dawuda beren
wadaň amala aşsyn!

18 Emma Hudaý ýerde ynsanlaryň
arasynda mesgen tutarmy? Seni hatda
gök-de, gökleriň gögi-de içine sygdy-
ryp bilmeýär. Onsoň meniň bu salan
öýüm dagy nämejik! 19 Ýöne şonda-da,
ýa Beýik Hudaýym, Sen guluň dilegi-
ne hem-de ýalbaryşyna gulak sal-da,
guluňyň edýän nalyşyny we dilegini
kabul et. 20 Gözleriň gije-gündiz Özüňe
ybadat etmekleri üçin saýlan şu öýüňde
bolsun. Guluňyň şu ýere tarap bakyp
edýän dilegini eşit. 21 Öz ysraýyl halkyň
we men guluň şu ýere tarap bakyp dileg
edenimizde, guluňyň, halkyň Ysraýylyň
nalyşlaryny eşit. Öz gökdäki mesgeniň-
den eşit-de, bizi bagyşla.

22 Bir adam başga bir adama garşy
günä edip, ant içmäge mejbur edilse, ol
gelip, şu öýde Seniň gurbanlyk sypaňyň
öňünde günäsizdigine ant içse, 23 şonda
Sen gökde eşit-de, oňa jogap ber. Gulla-
ryňa höküm edip, günälä günäsine görä
jeza ber, günäsizi akla-da, dogrulygyna
görä syla.

24 Seniň halkyň Ysraýyl Saňa garşy
günä edenligi zerarly duşman öňünde
ýeňlişe sezewar bolanda, täzeden Saňa
ýüz tutup, Seniň adyňy ykrar etse, şu
öýde Saňa dileg edip, ýalbarsa, 25 şonda
Sen gökde eşit-de, halkyň Ysraýylyň
günäsini geçip, olary yzlaryna, özlerine
we atalaryna beren ýurduňa getir. 26 Saňa
garşy günä edendikleri zerarly gök ýapy-
lyp, ýagmyr ýagmadyk mahaly, olar şu
ýere tarap bakyp, dileg edip, Seniň adyňy
ykrar etseler, Seniň hasrat çekdirenleriň
hem günäleri üçin toba etseler, 27 şonda
Sen gökde eşit-de, Öz gullaryň bolan ysra-
ýyl halkynyň günäsini geçip, olara dogry
ýoldan ýöremegi öwret. Öz halkyňa miras
hökmünde beren ýurduňa ýagmyr ýagdyr.
28 Eger ýurtda açlyk ýa gyrgyn keseli bol-
sa, epgek, ygaldan çüýremeklik, çekirtge
ýa-da gurçuk peýda bolsa, eger duşman-
lary öz islendik galalarynda olara sütem
etseler, nähili bela, nähili kesel bolsa-da,
29 islendik adam ýa-da ysraýyl halky tara-
pyndan nähili dilegdir nalyş edilen bolsa,
her kes öz ýürek hasratynyň derdini bilip,
şu öýe tarap ellerini gerse, 30 şonda Sen
gökde Öz mesgeniňde eşit-de, olary ba-
gyşla we olara ýardam et. Her kese eden
işine görä jogap ber, çünki her ynsanyň
ýüregini diňe Sen bilýänsiň. 31 Şeýdip,
olar Seniň atalarymyza beren ýurduňda
ömürboýy ýoluňdan ýöräp, Senden gor-
kup ýaşasynlar.

32 Halkyň Ysraýyldan bolmadyk, ýöne
Seniň beýik adyň, gudratyň hem-de Öz
halkyň üçin eden beýik işleriň barada
eşidip, uzak ýurtdan gelen keseki şu öýde
dileg etse, 33 Sen gökde, Öz mesgeniňde
ony eşit-de, dünýäniň ähli halklarynyň
ysraýyl halky ýaly Seniň adyňy bilip,
Senden gorkup, Saňa ybadat üçin guran
öýümi bilerleri ýaly, kesekiniň dilegi-
ne-de jogap ber.

34 Eger halkyň Seniň iberen ýoluň bilen
duşmanlaryna garşy söweşe çykyp, Se-
niň saýlan şäheriňe, meniň Saňa ybadat
üçin guran öýüme tarap bakyp, Saňa
dileg etse, 35 şonda Sen gökde olaryň
dileglerini, nalyşlaryny eşidip, olara
duşmanlarynyň üstünden ýeňiş ber.

36 Olar Saňa garşy günä etseler – günä
etmeýän adam ýokdur – Sen gazaplanyp,
olary duşman eline berseň, duşman ola-
ry ýesir edip, ýakynu-uzak ýurda äkitse,
37 olar hem ýesirlige äkidilen ýurtlarynda

oýlanyp toba edip, ýalbaryp: „Biz nähak-
lyk etdik, günä gazandyk, pislik etdik“
diýip, 38 özlerini ýesir alan duşmanlary-
nyň ýurdunda päk kalplary we jan-tenleri
bilen Saňa ýüzlenip, atalaryna beren
ýurduňa, Öz saýlan şäheriňe, Saňa ybadat
üçin guran öýüme tarap bakyp, dileg etse-
ler, 39 şonda Sen Öz gökdäki mesgeniňde
olaryň dileglerini, nalyşlaryny eşit-de,
olaryň dadyna ýetiş. Saňa garşy günä
eden halkyňy bagyşla. 40 Indi eý, Huda-
ýym, goý, bu ýerde edilen dilegi Seniň
gözleriň görsün we gulaklaryň eşitsin.

41 Ýa Hudaýymyz Reb!
Galk-da, güýjüňiň nyşany Äht
sandygy bilen
Öz dynçlyk mekanyňa gir.
Ýa Hudaýymyz Reb!
Goý, ruhanylaryň gutulyşa
beslensin,
sadyklaryň eşretleriňe guwansyn!
42 Ýa Hudaýymyz Reb!
Seçip-saýlanyňdan Sen ýüz
öwürme.
Guluň Dawuda görkezen sadyk
söýgiňi asla unutma!»

## 7-nji bap

### *Ybadathana Rebbe bagyş edilýär*

1 Süleýman dileg edip bolan dessine
gökden ot inip, ýakma gurbanlygy we
beýleki gurbanlyklary ýalmap-ýuwutdy.
Öý Rebbiň şöhratyndan doldy. 2 Rebbiň
şöhratynyň öýi doldurandygy sebäpli
ruhanylar Rebbiň öýüne girip bilmediler.
3 Bütin ysraýyl halky gökden inen ody
we öýdäki Rebbiň şöhratyny görende,
ýüzüni ýere berip sežde etdi. Halk: «Reb
ýagşydyr! Onuň söýgüsi bakydyr!» diýip
Rebbe şükür etdi.
4 Onsoň patyşa we onuň ýanyndaky
bütin ysraýyl halky Rebbiň huzurynda
gurbanlyk berdiler. 5 Süleýman patyşa
Rebbe gurbanlyk hökmünde ýigrimi iki
müň öküz we bir ýüz ýigrimi müň goýun
berdi. Şeýdip, patyşa we bütin ysraýyl
halky Hudaýyň öýüniň açylyş dabarasy-
ny etdiler. 6 Ruhanylar öz wezipelerinde
durdular, lewiler-de Dawudyň tabşyryşy
ýaly: «Onuň sadyk söýgüsi bakydyr!»
diýip, Rebbe öwgi aýtdylar. Olar Dawut
patyşanyň ýasadan saz gurallary bilen
saz çaldylar. Lewileriň öňünde ruhanylar
surnaý çaldylar. Bütin ysraýyl halky dik
durdy. 7 Süleýman patyşa Rebbiň öýüniň
öňündäki howlynyň ortasyny tämizläp
mukaddes etdi. Patyşa şol ýerde ýakma
gurbanlyklaryny we salamatlyk gur-
banlyklarynyň ýaglaryny berdi, çünki
Süleýmanyň ýasadan bürünç gurban-
lyk sypasy ýakma gurbanlygyny, galla
sadakasyny we salamatlyk gurbanlygy-
nyň ýag böleklerini tutardan gaty kiçidi.
8 Şeýdip, Süleýman we bütin ysraýyl
halky – ägirt uly mähelle Lebohamatdan
Müsür serhedine çenli bolan aralykda,
ýedi günläp Çatma baýramyny belläp
geçdiler. 9 Sekizinji gün mukaddes ýygna-
nyşyk boldy. Gurbanlyk sypasynyň bagyş
ediliş dabarasyny ýedi gün, baýramy-da
ýedi gün tutdular. 10 Süleýman ýedinji
aýyň ýigrimi üçüne halky öýli-öýüne
ugratdy. Olar Rebbiň Dawuda, Süleý-
mana we halky Ysraýyla görkezen ähli
ýagşylyklary üçin şatlanyp, göwnühoş-
lukda öýli-öýlerine gaýtdylar. 11 Şeýdip,
Süleýman Rebbiň öýüniň, öz köşgüniň
gurluşygyny tamamlap, Rebbiň öýünde
we öz köşgünde etmegi ýüregine düwen
ähli işlerini üstünlik bilen amala aşyrdy.

### *Reb ýene Süleýmana görünýär*
*(1 Patyşalar 9:2-9)*

12 Reb gije Süleýmana görnüp, oňa
şeýle diýdi: «Men seniň eden dilegiňi

eşitdim. Men şu ýeri Özüm üçin gur-
banlyk berilýän öý hökmünde saýladym.
13-14 Ýagyş ýagmaz ýaly gögi baglanym-
da ýa-da çekirtgelere ýurduň hasylyny
ýuwut diýip buýruk berenimde ýa-da
halkymyň arasyna gyrgyn keselini ýolla-
nymda, Meniň adymy göterýän halkym
özüni peseldip, dileg edip, Meni agtaryp,
öz pis ýollaryndan dönse, şonda Men
olary gökden eşidip, günälerini geçip,
ýurtlaryny dikelderin. 15 Indi şu ýerde
edilen dileglere Meniň gözlerim gör-
gür, gulaklarym eşitgir bolar. 16 Adym
şu öýde ebedilik bolar ýaly, Men ony
saýladym we mukaddes etdim, Meniň
nazarym we ýüregim hemişe şol ýerde
bolar. 17-18 Eger-de sen kakaňyň ýöreýşi
ýaly Meniň ýolumdan ýöräp, tabşyran
ähli zatlarymy edip, hökümlerimdir
düzgünlerimi berjaý etseň, „Seniň nes-
liňden Ysraýyla höküm sürjek adam
kemlik etmez“ diýip, kakaň Dawuda
wada berşim ýaly, patyşalygyňy berka-
rar ederin. 19-20 Emma siz Meniň yzyma
eýermekden ýüz dönderseňiz, öňüňizde
goýan tabşyryklarymy, parzlarymy ber-
jaý etmän, gidip başga hudaýlara hyzmat
edip, olara sežde etseňiz, onda Men ys-
raýyl halkyny özlerine beren ýerimden
mahrum ederin. Özüme ybadat edilmegi
üçin mukaddes eden bu öýümi ret ederin.
Ysraýyl halky beýleki halklara gep hem
gülki bolar. 21 Indi beýik bolan bu öýüň
ýanyndan geçýän her kişi oňa haýranlar
galyp: „Reb näme üçin bu ýurdy, bu öýi
beýle terk etdikä?“ diýer. 22 Onsoň ähli
halklar: „Çünki ysraýyl halky ata-ba-
balaryny Müsür ýurdundan çykaran
özleriniň Hudaýy Rebden ýüz dönderip,
başga hudaýlara tarap öwrüldiler. Olaryň
öňünde sežde edip, olara hyzmat etdiler.
Şonuň üçin hem Reb bu betbagtçylykla-
ry olaryň başyndan inderdi“ diýerler».

## 8-nji bap

***Süleýmanyň beýleki eden işleri***
*(1 Patyşalar 9:10-28)*

1 Süleýman Rebbiň öýi bilen öz köş-
güni ýigrimi ýylda gurup gutardy.
2 Süleýman Huramyň özüne beren şä-
herlerini täzeden gurdy. Ysraýyllar şol
şäherlerde ornaşdylar.
3 Süleýman Hamatsoba gidip, ony
eýeledi. 4 Süleýman çölde Tadmory, Ha-
matda ammar şäherlerini gurdy. 5 Şeýle
hem ol ýokarky we aşaky Beýthorony,
berkidilen diwarly, derwezeli we kiltli
galalary gurdy. 6 Şeýle hem Süleýman
Bagalaty, özüniň ammar galalaryny,
söweş arabalarynyň we söweş arabaly
goşunyň saklanýan galalaryny, özüniň
Iýerusalimde, Liwanda hem-de öz gol-
astyndaky ýerleriň ählisinde gurmaga
meýil eden zatlarynyň baryny gurdy.
7 Ysraýyl halkyndan bolmadyk hetler,
amorlar, perizler, hiwiler hem-de ýabus-
lar entek hem şol ýurtda ýaşaýardylar.
8 Olar ysraýyllaryň bütinleý ýok etmedik
halklarynyň nesilleridir. Süleýman olary
gula öwürdi. Bu şu güne çenli hem şeý-
ledir. 9 Emma Süleýman ysraýyl halkyny
gul etmedi. Olar Süleýmanyň esgerleri,
harby baştutanlary, onuň söweş araba-
ly goşunynyň serkerdeleridiler. 10 Olar
Süleýman patyşanyň baş serkerdeleridi.
Olaryň sany iki ýüz elli bolup, olar halka
gözegçilik etdiler.
11 Süleýman Müsür patyşasy faraonyň
gyzyny Dawut galasyndan onuň üçin gu-
ran köşgüne getirdi. Süleýman: «Aýalym
Ysraýylyň patyşasy Dawudyň köşgünde
ýaşamasyn, çünki Rebbiň sandygynyň
bolan ýerleri mukaddesdir» diýdi.
12 Süleýman eýwanyň öňünde Rebbe
guran gurbanlyk sypasynda Oňa ýakma

gurbanlyklaryny hödürledi. [13]Ol ýakma
gurbanlyklaryny Musanyň tabşyrygy
boýunça gündelik borja görä, Sabat gün-
lerinde, Täze Aý baýramlarynda, ýylda
üç gezek bolýan Petir, Galla baýramy
we Çatma baýramlarynda hödür etdi.
[14]Kakasy Dawudyň düzgüni boýunça
Süleýman ruhany toparlaryny öz hyz-
matlaryna belledi. Lewileri gündelik
borjuň talabyna laýyklykda ruhanylar
bilen hyzmat etmäge we alkyş aýtmaga
belledi. Derwezebanlary toparlaryna gö-
rä her derwezä belledi. Çünki Hudaýyň
adamy Dawut şeýle tabşyrypdy. [15]Olar
ähli işde, hazyna babatda-da patyşanyň
ruhanylara we lewilere beren tabşyryk-
laryndan çykmadylar.

[16]Şeýdip, Rebbiň öýüniň düýbi tutulan
gününden tä öýüň tamamlanan gününe
çenli Süleýmanyň ähli işleri doly gurlup
tamamlandy.

[17]Soňra Süleýman Esýongebere we
Edomyň deňiz ýakasynda bolan Eýla-
ta gitdi. [18]Huram oňa öz nökerlerinden
gämilere we deňze belet nökerler iberdi.
Olar Opyra gidip, ol ýerden sekiz ýüz
batman[a] altyn alyp, Süleýman patyşa
getirip berdiler.

## 9-njy bap

### *Şeba melikesi Iýerusalime gelýär*
*(1 Patyşalar 10:1-13)*

[1]Şeba melikesi Süleýmanyň at-owa-
zasyny eşidip, ony kyn sowallar bilen
synamaga Iýerusalime geldi. Şeba meli-
kesi ummasyz baýlyk, hoşboý ysly zatlar,
köp mukdarda altyn we gymmatbaha
daşlar ýüklenen düýeler bilen Iýerusali-
me geldi. Ol Süleýmanyň ýanyna gelip,
ýüregine düwen ähli sowallary hakynda
onuň bilen söhbetleşdi. [2]Süleýman onuň
ähli sowallaryna jogap berdi. Patyşa
onuň ýekeje sowalyny-da jogapsyz gal-
dyrmady. [3-4]Şeba melikesi Süleýmanyň
paýhasyny, onuň guran öýüni, saçagyn-
daky näz-nygmatlary, emeldarlarynyň
ýaşaýan ýerlerini, hyzmatkärleriniň
hyzmatyny, onuň sakylaryny, olaryň
egin-eşiklerini, Rebbiň öýünde berýän
ýakma gurbanlyklaryny görende, onuň
bu zatlara akyly haýran boldy.

[5-6]Ol patyşa şeýle diýdi: «Ýurdumda
işleriň hakda, parasatyň hakda eşiden
sözlerim dogry eken, ýöne men gelip, öz
gözlerim bilen görýänçäm, aýdylanlara
ynanmadym. Maňa danalygyňyň hat-
da ýarysyny hem aýtmandyrlar. Seniň
pähim-paýhasyň, rowaçlygyň meniň
eşidenimden has artyk eken. [7]Seniň
halkyň nähili bagtly! Hemişe huzuryňda
bolup, pähim-paýhasyňy eşidýän emel-
darlaryň nähili bagtly! [8]Senden hoşal
bolup, Hudaýyň Rebbiň patyşasy bol-
magyň üçin seni Öz tagtynda oturdan
Hudaýyň Rebbe alkyş bolsun! Hudaý
Ysraýyly söýensoň, ony ebedilik ber-
karar etmek üçin, adalaty we hakykaty
berjaý etmegiň üçin seni patyşa etdi».
[9]Onsoň Şeba melikesi Süleýman patyşa
iki ýüz batman[b] altyn, köp mukdarda
atyrlary we gymmatbaha daşlary berdi.
Süleýman patyşa Şeba melikesiniňki
ýaly şeýle köp mukdarda hoşboý ysly
zatlar heniz berilmändi.

[10]Huramyň we Süleýmanyň Opyrdan
altyn getiren hyzmatkärleri mundan baş-
ga-da sandal agajyny we gymmatbaha
daşlary hem getirdiler. [11]Patyşa sandal
agajyndan Rebbiň öýüne, patyşanyň

[a] **8:18** ***Sekiz ýüz batman*** – ýewreýçe *dört ýüz elli kikkar*. Bu takm. 16 tonna deňdir.
[b] **9:9** ***Iki ýüz batman*** – ýewreýçe *ýüz ýigrimi kikkar*. Bu takm. 4 tonna deňdir.

köşgüne basgançaklar, aýdymçy-
lar üçin liradyr arfalar ýasady; beýle
saz gurallary Ýahudada henize çenli
görlüp-eşidilmändi.
12 Süleýman patyşa Şeba melikesiniň
göwnüniň islän zadyny berdi. Süleýman
oňa özüne getiren zatlaryndan has köp
zatlary berdi. Şeýdip, Şeba melikesi
emeldarlary bilen öz ýurduna dolandy.

### *Süleýmanyň baýlygy*
*(1 Patyşalar 10:14-28)*

13-14 Süleýmana bir ýylda gelýän al-
tynyň agramy bir müň bir ýüz otuz
batmandan gowrakdy [a]. Bu alyş-beriş
edýän adamlardan, söwdagärleriň söw-
dasyndan gelýän altyndan daşarydy.
Ähli arap şalary, ýurduň häkimleri hem
Süleýmana altyn-kümüş berýärdiler.
15 Süleýman patyşa döwme altyndan
iki ýüz sany uly galkan ýasady. Her
bir uly galkana, on ýedi gadak [b] altyn
sarp edildi. 16 Ol döwme altyndan üç
ýüz galkan ýasady; her galkana sekiz
ýarym gadak [ç] altyn sarp edildi. Patyşa
bulary «Liwan jeňňeli» atly köşgünde
goýdy. 17 Patyşa tagtyny piliň süňki bilen
haşamlap, sap altyna gaplady. 18 Tag-
tyň alty basgançagy we altyndan aýak
kürsüsi oňa berkidilendi. Tagtyň iki ta-
rapynda hem tirseklikler, tirsekleriň
gapdalynda-da iki ýolbars durdy. 19 Alty
basgançagyň her tarapynda bir ýolbars,
jemi on iki ýolbars durdy. Beýle zat
entek asla hiç bir ýurtda ýasalmandy.
20 Süleýmanyň gap-gaçlarynyň bary-
sy altyndandy. Onuň «Liwan jeňňeli»
atly köşgüniň ähli gap-gaçlary-da sap
altyndandy. Kümüş Süleýmanyň döw-
ründe hiç zatça görülmeýärdi. 21 Çünki
Süleýmanyň Huramyň adamlary bilen
birlikde Tarşyşa gatnaýan gämileri bardy.
Deňiz gämileri üç ýylda bir gezek gelip,
altyn, kümüş, pil süňküni, maýmynlary
we tawuslary getirerdiler.
22 Şeýdip, Süleýman patyşa baýlykda,
pähim-paýhasda ýer ýüzündäki ähli
patyşalardan öňe geçdi. 23 Hudaýyň Sü-
leýmanyň ýüregine salan paýhasyny
eşitmek üçin ähli milletleriň patyşalary
onuň didaryna zardy. 24 Süleýmanyň ýa-
nyna gelen her kes ýylyň ýylyna kümüşdir
altyn enjamlardan, egin-eşiklerden,
ýaraglardan, hoşboý ysly zatlardan,
atlardyr gatyrlardan ybarat bolan sow-
gatlaryny getirýärdi.
25 Süleýmanyň atlar bilen söweş ara-
balary üçin dört müň athanasy bardy,
on iki müň arabaly esgerleri bardy.
Süleýman olaryň birnäçesini öz ýanyn-
da – Iýerusalimde, galanlaryny bolsa
söweş arabalarynyň saklanýan galala-
rynda ýerleşdirdi. 26 Süleýman Ýewfrat
derýasyndan piliştlileriň ýurduna we
Müsür serhedine çenli aralykda bolan
ähli patyşalaryň üstünden höküm sürdi.
27 Süleýman Iýerusalimde kümşi daşlar bi-
len deň etdi, kedr agajyny bolsa günbatar
baýyrlykda gögerýän ýabany injir agajy
kimin köpeltdi. 28 Süleýmanyň atlary Mü-
sürden, beýleki ähli ýurtlardan getirildi.

### *Süleýmanyň ölümi*
*(1 Patyşalar 11:41-43)*

29 Süleýmanyň galan ähli işleri –
owalky we soňky eden işleri Natan

---

[a] **9:13** ***Bir müň bir ýüz otuz batman*** – ýewreýçe *alty ýüz altmyş alty kikkar*. Bu takm. 23 tonna deňdir.

[b] **9:15** ***On ýedi gadak*** – ýewreýçe *alty ýüz şekel*. Bu takm. 7 kg deňdir.

[ç] **9:16** ***Sekiz ýarym gadak*** – ýewreýçe *üç ýüz şekel*. Bu takm. 3,3 kg deňdir.

pygamberiň taryh kitabynda, şiloly
Ahyýanyň pygamberliginde we Ydo gör-
güriň Nebadyň ogly Ýarobgam baradaky
görnüşlerinde ýazylandyr. 30Süleýman
Iýerusalimde bütin Ysraýyla kyrk ýyl
patyşalyk etdi. 31Süleýman ata-baba-
laryna gowuşdy. Ol kakasy Dawudyň
galasynda jaýlandy. Ogly Rehabgam
onuň ýerine patyşa boldy.

### 10-njy bap

***Rehabgama garşy gozgalaň***
*(1 Patyşalar 12:1-19)*

1Rehabgam Şekeme gitdi. Bütin ys-
raýyl halky Rehabgamy patyşa etjek
bolup, Şekeme gelipdi. 2Nebadyň ogly
Ýarobgam bu habary eşidenden soň (ol
Müsürdedi, çünki ol şol ýere Süleýman
patyşadan gaçyp gidipdi), Müsürden
gaýdyp geldi. 3Ysraýyllar Ýarobgamy
çagyrdyp alyp, onuň bilen bile Rehab-
gamyň ýanyna gelip, oňa şeýle diýdiler:
4«Kakaň bize agyr zulum etdi. Indi sen
kakaňyň bize eden agyr zulumyny ýeňlet
we bize salan salgydyny azalt, şonda biz
saňa gulluk ederis». 5Rehabgam ysraýyl
halkyna: «Ýene-de üç günden meniň
ýanyma dolanyp geliň» diýdi. Şeýdip,
olar gitdiler.

6Onsoň Rehabgam patyşa kakasy
Süleýmanyň diri mahalynda onuň
hyzmatynda duran ýaşulular bilen ge-
ňeşip, olardan: «Bu halka näme jogap
bermegi maňa maslahat berýärsiňiz?»
diýip sorady. 7Ýaşulular oňa: «Eger sen
şu gün bu halka ýagşylyk edip, ola-
ry razy etseň, olardan ýagşy sözüňi
gaýgyrmasaň, olar saňa baky hyzmat
ederler» diýip jogap berdiler. 8Emma
Rehabgam ýaşulularyň beren masla-
hatyny äsgermän, özi bilen bile ösüp
ulalan, huzurynda hyzmat edýän ýaş
ýigitler bilen geňeşdi. 9Rehabgam ýaş
ýigitlerden: «Siz: „Sen kakaňyň bize
eden agyr zulumyny ýeňlet“ diýýän
bu halka nähili jogap bermegi maňa
maslahat berýärsiňiz?» diýdi. 10Onuň
bilen bile ösüp ulalan ýaş ýigitler oňa:
«Saňa „Kakaňyň bize eden agyr zulu-
myny ýeňlet“ diýýän bu halka öz külem
barmagyň kakaňyň bilinden ýogyndygy-
ny aýt. 11Kakam size agyr zulum eden
bolsa, men size edilýän zulumy has-da
artdyraryn; kakam sizi çyrpy bilen je-
zalandyran bolsa, men sizi gamçy bilen
jezalandyraryn diý» diýdiler.

12Şeýdip, patyşanyň: «Meniň ýanyma
ýene-de üç günden dolanyp geliň» di-
ýip aýdyşy ýaly, Ýarobgam bilen bütin
halk üçünji gün Rehabgamyň ýanyna
geldiler. 13Patyşa halka rehimsizlik bi-
len jogap berdi. Ol ýaşulularyň özüne
beren maslahatyny ret etdi. 14Rehabgam
ýaş ýigitleriň beren maslahatyna eýerip,
Ýarobgama we ysraýyl halkyna şeýle
jogap berdi: «Kakam size agyr zulum
eden bolsa, men size edilen zulumy
has-da artdyraryn. Kakam sizi çyr-
py bilen jezalandyran bolsa, men sizi
gamçy bilen jezalandyraryn». 15Şeýdip,
patyşa halky diňlemedi. Bu waka Reb-
biň şiloly Ahyýa arkaly Nebadyň ogly
Ýarobgam barada aýdan sözüniň amala
aşmagy üçin Hudaý tarapyndan şeýle
tamamlanypdy.

16Patyşanyň özlerini diňlemejegini bi-
len ysraýyl halky oňa: «Biziň Dawut bilen
näme şärikligimiz bar? Ýyşaýyň oglunda
mirasymyz ýokdur. Eý, ysraýyllar, her kes
öýli-öýüne gaýtsyn! Eý, Dawudyň nesli,
sen öz öýüňe seret!» diýdi.
Şeýdip, ysraýyllar öz öýlerine dolandylar.
17Rehabgam bolsa Ýahuda şäherlerin-
de ýaşaýan ysraýyllara patyşalyk etdi.
18Rehabgam patyşa gullaryň baştutany

bolan Hadoramy [a] Ysraýyla iberende,
ysraýyl halky ony daşlap öldürdi. Re-
habgam patyşa Iýerusalime gaçmak üçin,
howlukmaçlyk bilen öz at arabasyna
mündi. 19 Şeýdip, demirgazyk ysraýyl
tireleri şu güne çenli Dawudyň nesil-
lerine garşy pitne turzup gelýärdiler.

## 11-nji bap

### *Şemagýa pygamberlik edýär*
*(1 Patyşalar 12:21-24)*

1 Rehabgam Iýerusalime geldi. De-
mirgazyk ysraýyl tirelerine garşy urşup,
patyşalygy Rehabgama gaýtaryp ber-
mek üçin, ýahuda hem-de benýamin
tirelerinden ýüz segsen müň saýlama
urşujylar toplady. 2 Emma Hudaýyň ada-
my Şemagýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
3 «Süleýmanyň ogly, Ýahudanyň patyşasy
Rehabgama, ýahuda we benýamin tirele-
rinden bolan ysraýyl halkyna 4 Reb şeýle
diýýär diý: „Siz doganlaryňyzyň garşy-
syna uruşmaň. Her kes öz öýüne gaýtsyn,
çünki bu bolan waka Mendendir“». Olar
Rebbiň sözüne gulak asyp, Ýarobgamyň
garşysyna çykman, öýlerine gaýtdylar.

### *Rehabgam Ýahudany berkidýär*

5 Rehabgam Iýerusalimde mesgen tu-
tup, Ýahudany goramak üçin galalar
gurdy. 6 Ol Beýtullahamy, Eýtamy, Te-
kowany, 7 Beýtsury, Sokony, Adullamy,
8 Gaty, Mareşany, Zipi, 9 Adoraýymy,
Lakyşy, Azekany, 10 Sorgany, Aýalony
we Hebrony gurdy. Rehabgam ýahudala-
ryň we benýaminleriň galalary berkitdi.
11 Rehabgam galalary berkidip, olara ser-
kerdeler belledi. Galalaryň hersini azyk,
ýag we şerap bilen üpjün etdi. 12 Ol şeýle
hem, ähli galalarda uly galkanlary we
naýzalary goýup, olary has berkitdi. Ýa-
huda bilen benýamin Rehabgamyňkydy.

### *Ruhanylar we lewiler Rehabgamy goldaýarlar*

13 Ruhanylar we lewiler Ysraýylyň
dürli çäklerinden Rehabgamyň ýanyna
geldiler. 14 Lewiler öz öri meýdanlaryny
we mülklerini taşlap, Ýahuda, Iýeru-
salime geldiler, çünki Ýarobgam we
onuň ogullary olary ruhanylyk etmekden
aýrypdylar. 15 Ýarobgam sežde gählere,
öz ýasan but erkeçlerine we gölelerine
ruhanylaryny belledi. 16 Ysraýylyň äh-
li tirelerinden Ysraýyl Hudaýy Rebbi
agtarmagy ýüregine düwenler atalary-
nyň Hudaýyna gurbanlyk bermek üçin
lewileriň yzyndan Iýerusalime geldiler.
17 Olar Ýahuda patyşalygyny kuwwatlan-
dyrdylar. Olar üç ýyllap Süleýmanyň
ogly Rehabgama goldaw berdiler, çünki
olar üç ýyllap Dawudyň, Süleýmanyň
ýolundan ýöräpdiler.

### *Rehabgamyň maşgalasy*

18 Rehabgam Mahalata öýlendi. Ma-
halat Dawudyň ogly Ýerimot bilen
Abyhaýylyň gyzydy. Abyhaýyl Ýyşa-
ýyň ogly Eliýabyň gyzydy. 19 Mahalat
Rehabgama: Ýeguş, Şemarýa we Zaham
atly ogullary dogrup berdi. 20 Mahalat-
dan soň Rehabgam Abyşalomyň gyzy
Magaka öýlendi. Magaka oňa: Abyýa,
Ataý, Ziza we Şelomyt atly ogullary
dogrup berdi. 21 Rehabgam Abyşalomyň
gyzy Magakany beýleki hemme aýalla-
ryndan we gyrnaklaryndan eý görýärdi.
Rehabgamyň on sekiz aýaly we altmyş
gyrnagy bardy; ol ýigrimi sekiz ogluň we
altmyş gyzyň atasydy. 22 Rehabgam Ma-
gakanyň ogly Abyýany geljekde patyşa

[a] **10:18** ***Hadoram*** – bu at 2Şam we 1Pat kitaplarynda *Adoram* ýa *Adonyram* diýip duş gelýär.

etmek niýeti bilen inilerine baştutan
belledi. 23 Rehabgam parasatlyk bilen
hereket edip, ogullaryny ýahudalaryň
we benýaminleriň galalaryna iberip,
olary ummasyz azyk bilen üpjün etdi,
olara köp aýallar alyp berdi.

## 12-nji bap

### *Müsür patyşasy Şişak Ýahuda hüjüm edýär*

*(1 Patyşalar 14:25-31)*

1 Patyşalygy pugtalanyp, özi kuwwat-
lanandan soň, Rehabgam tutuş ysraýyl
halky bilen birlikde Rebbiň kanunyny
terk etdi. 2-3 Rehabgamyň patyşalygynyň
bäşinji ýylynda Ysraýylyň Rebbe biwe-
palyk edendigi zerarly, Müsür patyşasy
Şişak bir müň iki ýüz söweş arabasy we
altmyş müň söweş arabaly esgerleri bilen
Iýerusalimiň üstüne çozdy. Şişak bilen
Müsürden gelenler: liwiýalylar, sukkiler
we efiopiýalylar san-sajaksyzdy. 4 Şişak
Ýahudanyň berkidilen galalaryny basyp
alyp, Iýerusalime çenli geldi. 5 Şemag-
ýa pygamber Şişak zerarly Iýerusalime
ýygnanan Rehabgamyň we Ýahuda baş-
tutanlarynyň ýanyna gelip, olara şeýle
diýdi: «Reb şeýle diýýär: „Siz Meni terk
etdiňiz, Men hem sizi terk edip, Şişagyň
eline berdim“». 6 Onsoň Ysraýylyň baş-
tutanlary we patyşa özlerini kiçeldip:
«Reb adyldyr!» diýdiler. 7 Reb olaryň
özlerini kiçeldenini görende, Şemagýa
Rebbiň şu sözi aýan boldy: «Olaryň öz-
lerini kiçeldendigi üçin Men olary ýok
etmerin. Emma Men olara biraz gutulyş
bererin. Meniň gazabym Şişagyň eli
bilen Iýerusalimiň üstüne dökülmez.
8 Muňa garamazdan, olar Şişagyň gul-
lary bolarlar. Şonda olar Maňa hyzmat
etmek bilen beýleki ýurtlaryň patyşala-
ryna hyzmat etmegiň parhyny bilerler».
9 Şeýdip, Müsür patyşasy Şişak Iýeru-
salime hüjüm etdi. Ol Rebbiň öýündäki
hazynalaryň, patyşanyň köşgündäki ha-
zynalaryň baryny talady. Ol Süleýmanyň
altyndan ýasadan ähli galkanlaryny hem
alyp gitdi. 10 Rehabgam patyşa bolsa olaryň
deregine bürünçden galkanlar ýasadyp,
olary patyşanyň köşgüniň gapysyny sak-
laýan garawullaryň baştutanlarynyň eline
berdi. 11 Patyşa her sapar Rebbiň öýüne
gidende, garawullar olary getirip, soňra
ýene yzyna garawulhana äkidýärdiler.
12 Rehabgamyň özüni kiçeldendigi sebäpli,
Rebbiň gazaby ondan sowlup, ony bütin-
leý ýok etmedi. Ýahudada-da ýagdaýlar
gowudy. 13 Şeýdip, Rehabgam patyşa
kuwwatlanyp, Iýerusalimde şalyk sürdi.
Rehabgam patyşa bolanda kyrk bir ýa-
şyndady. Ol Rebbiň Özüne ybadat etmegi
üçin Ysraýylyň ähli tireleriniň arasyndan
saýlan şäheri bolan Iýerusalimde on ýe-
di ýyl şalyk sürdi. Onuň ejesi ammonly
bolup, ady Nagamady. 14 Rehabgam pis
işleri etdi. Ol Rebbi agtarmagy ýüregine
düwmedi. 15 Rehabgamyň başdan-aýak
eden işleri Şemagýa pygamberiň we Ydo
görgüriň taryh kitaplarynda nesil darag-
tyna görä ýazylandyr. Rehabgam bilen
Ýarobgamyň arasynda hemişe uruş boldy.
16 Rehabgam ata-babalaryna gowuşdy. Ol
ata-babalarynyň ýanynda Dawut gala-
synda jaýlandy. Rehabgamyň ýerine ogly
Abyýa patyşa boldy.

## 13-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Abyýa*

*(1 Patyşalar 15:1-8)*

1 Ýarobgamyň patyşalygynyň sekizinji
ýylynda Abyýa Ýahuda patyşa boldy.
2 Abyýa Iýerusalimde üç ýyl patyşalyk
etdi; onuň ejesiniň ady Mikaýady; ol
gibgaly Uryýeliň gyzydy.

Abyýa bilen Ýarobgamyň arasynda
uruş gidýärdi. 3 Abyýa dört ýüz müň
saýlama, batyr ýigitlerden ybarat bolan
goşuny bilen urşa girişdi. Ýarobgam hem
sekiz ýüz müň saýlama, batyr ýigitleri
bilen Abyýanyň garşysyna söweşe çykdy.
4 Onsoň Abyýa Efraýym daglygynda bo-
lan Samaraýym dagynyň üstünde durup,
şeýle diýdi: «Eý, Ýarobgam we bütin ysra-
ýyl halky, maňa gulak asyň! 5 Siz Ysraýyl
Hudaýy Rebbiň Ysraýylyň üstünden şa-
lyk sürmekligi ebedilik Dawuda we onuň
ogullaryna berendigini bilmeýärmisiňiz?
Ol muny bozulmajak ähtiň üsti bilen etdi.
6 Emma Dawudyň ogly Süleýmanyň nö-
keri, Nebadyň ogly Ýarobgam gidip, öz
hökümdaryna garşy gozgalaň turuzdy.
7 Boş we ýaramaz adamlar Ýarobgamyň
ýanyna ýygnanyp, Süleýmanyň ogly
Rehabgamyň garşysyna çykdylar. Re-
habgam ýaş we tejribesiz bolansoň, olar
bilen urşup bilmedi. 8 Indi siz Dawudyň
ogullarynyň elinde bolan Rebbiň paty-
şalygyna garşy durup bileris diýip pikir
edýärsiňiz. Çünki siziň sanyňyz juda
köpdür hem-de Ýarobgamyň hudaýlar
hökmünde siziň üçin ýasan altyn göleleri
ýanyňyzdadyr. 9 Siz Rebbiň ruhanylary
bolan Harunyň ogullaryny we lewileri
kowup, başga ýurtlaryň halklary ýaly öz
ruhanylaryňyzy bellediňiz. Bir öküzçe
ýa-da ýedi goç bilen mukaddes edilmäge
gelen her kes but hudaýlara ruhany bol-
ýar. 10 Emma biziň Hudaýymyz Rebdir.
Biz Ony terk etmedik. Bizde Rebbiň
hyzmatynda durýan ruhanylar bar. 11 Ol
ruhanylar ertirine, agşamyna Rebbe
ýakma gurbanlyklar berip, ýakymly ysly
tütetgi ýakýarlar, sap altyn hantagta-
synda hödür çöregini goýýarlar, her gije
altyn çyradanda şemleri ýakýarlar. Çünki
biz Hudaýymyz Rebbiň ýumuşlaryny
bitirýäris, emma siz Ony terk etdiňiz.
12 Hudaý biziň baştutanymyzdyr. Onuň
ruhanylarynyň ellerinde size garşy urşy
yglan etmäge surnaýlar bardyr. Eý, ys-
raýyllar, atalaryňyzyň Hudaýy Rebbiň
garşysyna uruş etmäň, çünki siz ýeňiş
gazanyp bilmersiňiz».
13 Ýarobgam Ýahuda goşunyň ýeňse
tarapyndan bukuda ýatmak üçin goşun
iberipdi. Şeýdip, onuň goşuny Ýahudanyň
öň tarapynda, bukuda ýatan goşuny bolsa
Ýahudanyň ýeňse tarapyndady. 14 Ýahu-
dalar özleriniň hem öňlerinde, hem
yzlarynda söweş gidýändigini gördüler.
Olar Rebbe perýat etdiler, ruhanylar sur-
naýlaryny çaldylar. 15 Onsoň ýahuda halky
gygyryşdy. Ýahudalar gygyryşanlarynda,
Hudaý Abyýanyň we Ýahudanyň öňün-
de Ýarobgamy we bütin ysraýyl halkyny
ýeňlişe sezewar etdi. 16 Ysraýyllar ýahu-
dalardan gaçdylar. Hudaý ysraýyllary
ýahudalaryň eline berdi. 17 Abyýa we onuň
goşuny ysraýyllara agyr zarba urdular.
Ysraýylyň bäş ýüz müň saýlama esgeri
öldürildi. 18 Şeýdip, ysraýyllar basyldylar,
ýahudalar bolsa atalarynyň Hudaýy Reb-
be bil baglandyklary üçin olary ýeňdiler.
19 Abyýa Ýarobgamyň yzyndan kowup,
onuň Beýtel, Ýeşanan we Epron diýen
şäherlerini obalary bilen bile basyp al-
dy. 20 Ýarobgam Abyýanyň döwründe
güýç-kuwwatyny dikeldip bilmedi. Reb
Ýarobgamy jezalandyrdy, şonda ol öldi.
21 Emma Abyýa barha güýçlendi. Ol on
dört aýal alyp, ýigrimi iki ogluň, on alty
gyzyň kakasy boldy. 22 Abyýanyň galan
işleri, onuň hereketleri we sözleri Ydo
pygamberiň ýazgylarynda ýazylandyr.

## 14-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Asa*

1 Abyýa ata-babalaryna gowuşdy. Ol
Dawut galasynda jaýlandy. Onsoň onuň

ýerine ogly Asa patyşa boldy. Onuň döw-
ründe ýurt on ýyl asudalykda ýaşady.
2 Asa öz Hudaýy Rebbiň nazarynda oňat
we dogry işleri etdi. 3 Asa keseki gurban-
lyk sypalaryny we seždegähleri aýryp,
dikme daşlaryny ýykdy, Aşera butlaryny
kesdi. 4 Ol ýahuda halkyna atalarynyň
Hudaýy Rebbi agtaryp, Onuň kanuny-
ny we tabşyryklaryny berjaý etmegi
buýurdy. 5 Şeýle hem, Asa Ýahudanyň
ähli galalaryndaky seždegähleri we ýa-
kymly ysly tütetgi berilýän sypalaryny
aýyrdy. Onuň şalyk süren döwründe ýurt
asudalykda ýaşady. 6 Ol Ýahuda asuda-
lykdaka galalary gurdy. Şol ýyllarda ol
hiç kim bilen uruş etmedi, sebäbi Reb
oňa parahatçylyk beripdi. 7 Asa ýahuda
halkyna: «Geliň, bu galalary gurup, ola-
ryň daşyna diwarlar, diňler, derwezeler
we kiltler edeliň. Ýurt entek hem biziň-
kidir, çünki biz Hudaýymyz Rebbe tabyn
bolduk. Biz Oňa tabyn bolduk, Ol bize
her tarapdan asudalyk berdi». Şeýdip,
olaryň gurluşyk işleri rowaçlandy. 8 Asa-
nyň ýahuda tiresinden uly galkanlardyr
naýzalar bilen ýaraglanan üç ýüz müň
adamdan, benýamin tiresinden galkan
göterip, ýaý atýan iki ýüz segsen müň
adamdan ybarat goşuny bardy. Olaryň
bary batyr ýigitlerdi.

### *Efiopiýalylar hüjüm edýär*

9 Efiopiýaly Zera müňlerçe esgeri we
üç ýüz söweş arabasy bilen Asa garşy
çykyp, Mareşa çenli geldi. 10 Asa Zera-
nyň öňünden çykdy. Olar Mareşadaky
Sepata deresinde söweş üçin nyzama
düzüldiler. 11 Asa Hudaýy Rebbi çagy-
ryp, şeýle diýdi: «Ýa Reb, güýçli adama
garşy çykmakda ejize diňe Sen ýardam
berýänsiň. Ýa Beýik Hudaýymyz, bize
ýardam et, çünki biz Saňa bil baglaýa-
rys. Seniň adyň bilen biz bu ummasyz
goşunyň garşysyna çykdyk». 12 Şeýdip,
Reb efiopiýalylary Asanyň we ýahuda
halkynyň öňünde ýeňlişe sezewar etdi.
Olar gaçdylar. 13 Asa bilen onuň goşuny
efiopiýalylary Gerara çenli kowdular.
Efiopiýalylaryň bary gyrlyp, ýekejesi
hem diri galmady. Olar Rebbiň we Onuň
goşunynyň öňünde ýeňlişe sezewar bol-
dular. Ýahuda halky gaty köp olja alyp
gaýtdy. 14 Olar Geraryň töweregindäki
ähli galalara zarba urdular, çünki ýer-
li halka Rebbiň gorkusy aralaşypdy.
Urşujylar ähli galalara talaň saldylar,
sebäbi şol galalarda olja köpdi. 15 Olar
çarwalaryň çadyrlaryna hem hüjüm edip,
ummasyz goýundyr geçiler we düýeler
alyp, Iýerusalime gaýdyp geldiler.

## 15-nji bap

### *Asa patyşa butlary ýok edýär*

1 Odetiň ogly Azarýanyň üstüne Reb-
biň Ruhy indi. 2 Azarýa Asanyň öňünden
çykyp, oňa şeýle diýdi: «Eý, Asa, ähli
ýahudalar bilen benýaminler, maňa gulak
asyň! Siz Reb bilen bolsaňyz, Ol hem
siziň bilendir. Ony agtarsaňyz, taparsy-
ňyz; Ony terk etseňiz, Ol-da sizi terk eder.
3 Uzak wagtlap Ysraýyl hak Hudaýsyz
ýaşapdy; tälim berýän ruhany-da, kanun-
da bolmandy. 4 Emma agyr günlerinde
olar Ysraýyl Hudaýy Rebbe ýüz tutup,
Ony agtardylar; Ol Özüni olara aýan etdi.
5 Şol döwürlerde ähli ýurtlaryň ilatlary-
nyň arasyndaky uly howsalalyk zerarly
girip-çykmak howpludy. 6 Bir millet
beýleki millete garşy, bir şäher beýleki
şähere garşy göreşdi. Hudaý olary her
hili betbagtçylyk bilen howsala salypdy.
7 Ýöne siz berk duruň! Ruhdan düşmäň!
Eden işleriňiziň hözirini görersiňiz».
8 Asa bu sözleri, ýagny Odetiň ogly
Azarýanyň pygamberligini eşidende

ruhlandy. Ol bütin Ýahudadaky, Ben-
ýamindäki we Efraýym daglygyndan
alan ähli galalaryndaky ýigrenji butlary
ýok etdi. Asa Rebbiň öýüniň eýwa-
nynyň öňündäki Rebbiň gurbanlyk
sypasyny täzeden dikeltdi. 9 Asa ähli
ýahudalary we benýaminleri, olaryň
arasynda keseki hökmünde ýaşap ýören
efraýymlary, günbatardaky manaşa-
lary we şimgonlary toplady. Beýik
Hudaýyň Asa bilendigini görüp, köp
ysraýyllar Asanyň tarapyna geçipdiler.
10 Olar Asanyň patyşalygynyň on bäşinji
ýylynyň üçünji aýynda Iýerusalime
ýygnanyşdylar. 11 Şol gün olar getiren
oljalaryndan ýedi ýüz öküzi we ýedi
müň goýny Rebbe gurbanlyk hökmün-
de berdiler. 12 Olar ata-babalarynyň
Hudaýy Rebbi bütin kalplary, bütin
jan-teni bilen agtarmagy äht etdiler.
13 Ýaş bolsun, garry bolsun, erkek bol-
sun, aýal bolsun, parhy ýok, Ysraýyl
Hudaýy Rebbi agtarmadyk her kes
öldürilmelidi. 14 Olar batly ses bilen
gygyryşyp, şahdan edilen surnaýlar
we kernaýlar çalyp, Rebden ant içdiler.
15 Bütin ýahuda halky bu kasam üçin
begendiler. Olar çyn ýürekden ant içip,
Rebbi uly yhlas bilen agtardylar. Reb
hem olara Özüni görkezdi. Reb olara
her tarapdan asudalyk berdi. 16 Asa
patyşa hatda ejesi Magakany melike-
likden boşatdy, çünki ol Aşera üçin
ýigrenji but ýasapdy. Asa Aşera butuny
kesip, parçalap, Kidron deresinde ýakdy.
17 Emma Ysraýyldaky seždegähler ýok
edilmändi. Muňa garamazdan, Asanyň
ýüregi bütin ömründe wepaly boldy.
18 Ol kakasynyň we özüniň aýdan sa-
dakalaryny, ýagny altyny, kümşi we
enjamlary Hudaýyň öýüne getirdi.
19 Asanyň patyşalygynyň otuz bäşin-
ji ýylyna çenli uruş bolmady.

## 16-njy bap

***Ysraýyl patyşasy Bagşa Ýahuda hüjüm edýär***
*(1 Patyşalar 15:17-22)*

1 Asanyň patyşalygynyň otuz altynjy
ýylynda Ysraýyl patyşasy Bagşa Ýahu-
danyň üstüne çozdy. Ol Ýahuda patyşasy
Asanyň ýanyna gelip-gitmek isleýänle-
riň ýoluny ýapmak üçin Rama galasyny
berkitdi. 2 Soňra Asa Rebbiň öýüniň
we patyşa köşgüniň hazynalaryndan
kümüşdir altyn alyp, olary Damaskda
ýaşaýan Siriýa patyşasy Benhadada iber-
di. 3 Asa öz emeldarlaryndan Benhadada
şeýle habar ýollady: «Seniň kakaň bilen
meniň kakamyň arasynda bolşy ýaly,
ikimiziň aramyzda-da ylalaşyk bolsun.
Men saňa kümüşdir altyn sowgat iber-
ýärin. Sen gidip, Ysraýylyň patyşasy
Bagşa bilen eden ylalaşygyňy boz, ol
meniň üstümden sowulsyn». 4 Benhadat
Asa patyşanyň aýdanlaryna gulak asdy.
Ol goşun serkerdelerini iberip, Ýyony,
Dany, Abelmaýymy, Naftalynyň ähli
ammar galalaryny basyp aldy. 5 Bagşa
muny eşidende, Rama galasyny berkit-
mekden el çekip, işini togtatdy. 6 Soňra
Asa patyşa ýahuda halkynyň baryny top-
lady. Olar Rama galasyndaky Bagşanyň
berkitme üçin ulanyp ýören daşlaryny,
agaçlaryny alyp gitdiler. Asa patyşa bu
daşdyr agaçlar bilen Geba we Mispa
galalaryny berkitdi.

7 Şol wagt görgür Hanany Ýahuda pa-
tyşasy Asanyň ýanyna gelip, oňa şeýle
diýdi: «Hudaýyň Rebbe bil baglaman,
Siriýa patyşasyna bil baglanyň üçin
Siriýa patyşasynyň goşuny seniň eliň-
den gaçyp gutuldy. 8 Efiopiýalylar we
liwiýalylar biçak köp söweş arabaly we
sansyz-sajaksyz söweş arabaly esgerleri

bolan goşun dälmidi? Emma Rebbe bil
baglandygyňyz üçin, Reb olary siziň
eliňize berdi. 9Özüne ak ýürekden hyz-
mat edenlere güýç-kuwwat bermek üçin
Reb bütin ýer ýüzüne syn edýär. Sen
akmaklyk etdiň. Mundan beýläk sen
mydama uruş içinde bolarsyň». 10Onsoň
Asa Hanany görgüre gaharlanyp, ony
zynjyrlap zyndana saldy, çünki Asa
munuň üçin oňa gazaplanypdy.

### *Asanyň ölümi*
*(1 Patyşalar 15:23-24)*

11Asanyň başdan-aýaga çenli eden
ähli işleri barada Ýahuda we Ysraýyl
patyşalarynyň taryh kitabynda ýazy-
landyr. 12Emma Asanyň patyşalygynyň
otuz dokuzynjy ýylynda ol aýakdan
dert çekdi Onuň aýak agyrysy gitdi-
giçe agyrlaşsa-da, ol Rebden medet
dilemän, lukmanlardan medet gözledi.
13Asa patyşalygynyň kyrk birinji ýy-
lynda ata-babalaryna gowuşdy. 14Asany
Dawut galasynda özi üçin gazyp goýan
mazarynda jaýladylar. Ony bir ussat
tarapyndan taýýarlanan her hili hoşboý
ysly zatlardan doldurylan tabytda goý-
dular. Asanyň hatyrasyna uly ot ýakyldy.

## 17-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Ýehoşapat*

1Asanyň ogly Ýehoşapat onuň ýerine
patyşa boldy. Ol Ysraýyla garşy güýç top-
lady. 2Ol Ýahudanyň esasy galalarynyň
ählisinde goşun goýdy. Kakasy Asa-
nyň basyp alan galalary bolan Efraýym
galalarynda goşun ýerleşdirdi. 3-4Reb
Ýehoşapat bilendi, sebäbi ol kakasynyň
owalky ýollaryndan ýöredi. Ýehoşapat
Bagaly agtarman, kakasynyň Huda-
ýyny agtardy, Onuň tabşyryklaryna
gulak goýdy, Ysraýylyň ýoluna eýermedi.
5Şonuň üçin hem Reb onuň patyşalygyny
berkitdi. Ähli ýahuda halky Ýehoşapada
salgyt töledi. Ol gaty baý hem at-ab-
raýlydy. 6Ýehoşapat Rebbiň ýolundan
ýöremeklige ýüregi bilen berlendi. Ol
Ýahudadaky seždegähleri we Aşera
butlaryny ýok etdi. 7Patyşalygynyň
üçünji ýylynda Ýehoşapat Ýahudanyň
şäherlerinde halka tälim bersinler diýip
emeldarlaryndan Benhaýyly, Abadýany,
Zakarýany, Nataniýeli we Mikaýany
iberdi. 8Lewilerden Şemagýa, Netanýa,
Zebadýa, Asahel, Şemiramot, Ýonatan,
Adonyýa, Tobyýa, Tobadonyýa hem-de
ruhanylar Elişama, Ýehoram olar bilen
gitdiler. 9Olar Ýahudada tälim berdiler.
Ýanlaryna Rebbiň kanun kitabyny alyp,
Ýahudanyň ähli şäherlerine aýlanyp,
halka tälim berdiler.

10Ýahudanyň töweregindäki ähli ýurt-
laryň patyşalyklaryna Rebbiň gorkusy
aralaşdy. Olar Ýehoşapada garşy uruş
etmediler. 11Piliştlileriň käbirleri Ýe-
hoşapada sowgatlar, salgyt üçin kümüş
getirdiler; araplar hem ýedi müň ýedi ýüz
goç we ýedi müň ýedi ýüz erkeç getirdi-
ler. 12Ýehoşapat gitdigisaýy güýçlenýärdi.
Ol Ýahudada galalar we ammar şäher-
lerini gurdy. 13Ol Ýahuda şäherlerinde
beýik işleri etdi. Onuň Iýerusalimde
söweşijileri we batyr ýigitleri bardy.
14Uruglaryna görä olaryň sany şulardy:
Ýahudanyň müňbaşylary: serkerde Adna
üç ýüz müň batyr ýigit bilen, 15ondan soň
serkerde Ýehohanan iki ýüz segsen müň
esger bilen, 16ondan soň Zikriniň ogly
Emasýa, Rebbiň meýletin hyzmatkäri
iki ýüz müň batyr ýigit bilen. 17Benýa-
minlerden: batyr ýigit Elýada iki ýüz
müň ýaýdyr galkan bilen ýaraglanan
esger bilen, 18ondan soň Ýehozabat ur-
şa taýýar ýüz segsen müň esger bilen.
19Bular patyşanyň bütin Ýahudadaky

galalarynda ýerleşdiren esgerlerinden
daşary patyşa hyzmat edýän esgerlerdi.

## 18-nji bap

### *Mikaýa pygamberlik edýär*
*(1 Patyşalar 22:1-28)*

1 Ýehoşapat örän baý we at-abraýlydy.
Ol Ahap bilen guda boldy. 2 Birnäçe
ýyldan soň Ýehoşapat Samariýa Aha-
byň ýanyna gitdi. Ahap Ýehoşapat we
onuň bilen gelenler üçin köp goýun we
öküz öldürdip, ony özi bilen Ramotgil-
gada garşy hüjüm etmäge yrdy. 3 Ahap
Ýehoşapatdan: «Sen meniň bilen Ra-
motgilgada hüjüm etmäge gidersiňmi?»
diýip sorady. Ýehoşapat oňa: «Menem,
halkam seniň hyzmatyňdadyrys. Uruş-
da seniň bilendiris» diýip jogap berdi.
4 Ýehoşapat sözüni dowam edip, Ysra-
ýylyň patyşasy Ahaba: «Öňürti Rebden
sorap göräý» diýdi. 5 Onsoň Ysraýylyň
patyşasy Ahap dört ýüze golaý pygam-
beri toplap, olardan: «Biziň ikimizem
Ramotgilgada hüjüm edelimi ýa-da men
etmäýinmi?» diýip sorady. Olar: «Hüjüm
et, çünki Hudaý ony seniň eliňe berer»
diýdiler. 6 Emma Ýehoşapat: «Bu ýerde
sorar ýaly Rebbiň başga pygamberi ýok-
my?» diýdi. 7 Ysraýylyň patyşasy Ahap
Ýehoşapada şeýle jogap berdi: «Rebden
sorap görmäge ýene bir pygamber bar,
ol Ýymla ogly Mikaýa, ýöne men ony
ýigrenýärin. Ol maňa hiç ýagşy zatla-
ry pygamberlik etmän, gaýtam diňe
betbagtçylyk hakynda pygamberlik
edýär». Ýehoşapat: «Eý, patyşa, beýle
zatlary diliňe alma» diýdi. 8 Onsoň Ys-
raýyl patyşasy Ahap köşk emeldaryny
çagyryp: «Git-de, dessine Ýymla ogly
Mikaýany şu ýere getir» diýdi. 9 Ysraýyl
patyşasy bilen Ýahuda patyşasy Ýehoşa-
pat şalyk lybasyny geýip, Samariýanyň
derwezesiniň agzyndaky harmanda öz
tagtlarynda otyrdylar. Ähli pygamberler
olaryň öňünde pygamberlik edýärdiler.
10 Kenagananyň ogly Sidkiýa özüne de-
mir şahlar ýasap, şeýle diýdi: «Reb şeýle
diýýär: „Sen şu şahlar bilen siriýalyla-
ryň üstüne hüjüm edip, olardan üstün
çykarsyň“». 11 Ähli pygamberler şol bir
zady pygamberlik edip: «Ramotgilga-
da git, sen ýeňiş gazanarsyň. Reb ony
patyşanyň eline berer» diýdiler.
12 Mikaýany getirmäge giden çapar
oňa: «Ähli pygamberler patyşa bir agyz-
dan hoş sözleri aýdýarlar; sen hem şolar
ýaly hoş sözleri aýt» diýdi. 13 Mikaýa:
«Rebden ant içýärin, Hudaýym maňa nä-
me diýse, men şony hem aýdaryn» diýdi.
14 Mikaýa patyşanyň ýanyna geldi.
Patyşa ondan: «Mikaýa, biz Ramotgil-
gada çozuş edelimi ýa-da etmäli?» diýip
sorady. Mikaýa: «Çozuş et, sen ýeňiş
gazanarsyň. Reb ony seniň eliňe berer»
diýip jogap berdi. 15 Patyşa oňa: «Maňa
Rebbiň adyndan hakykatdan başga zat
aýtmazlygy saňa näçe gezek ant içirme-
li?» diýdi. 16 Onsoň Mikaýa: «Men bütin
ysraýyllary daglardaky çopansyz goýun
sürüsi kimin dagynyk halda gördüm.
Reb şeýle diýýär: „Bularyň baştutany
ýok, olaryň hersi sag-salamat öýüne
gaýtsyn“» diýdi. 17 Ysraýyl patyşasy
Ahap Ýehoşapada: «Men saňa ol hiç
haçan ýagşy zat hakda däl-de, eýsem,
diňe betbagtçylyk hakda pygamberlik
edýär diýip aýtmadymmy näme?» diýdi.
18 Onsoň Mikaýa şeýle diýdi: «Şonuň
üçin hem sen Rebbiň sözüne gulak goý.
Men Rebbiň Öz tagtynda oturanyny, äh-
li gögüň goşunlarynyň Onuň sagynda
we solunda duranyny gördüm. 19 Reb
şeýle diýdi: „Ramotgilgada gidip heläk
bolmagy üçin, Ysraýyl patyşasy Aha-
by kim yryp biler?“ Biri bir zat diýdi,

beýlekisi başga zat. 20 Onsoň bir ruh gelip,
Rebbiň huzurynda durup, şeýle diýdi:
„Ony men yraryn“. Reb ondan: „Nädip?“
diýip sorady. 21 Ol Rebbe: „Men giderin-
de, Ahabyň ähli pygamberlerini ýalan
sözlederin“ diýip jogap berdi. Onsoň
Reb oňa: „Sen git-de ony yr, sen muny
başararsyň“ diýdi. 22 Ine, görýäňmi, Reb
seniň ähli pygamberleriňi ýalan sözletdi.
Reb seniň başyňa bela getirer».

23 Onsoň Kenagananyň ogly Sidkiýa
Mikaýa golaý gelip, onuň ýaňagyna
şarpyk çalyp: «Reb sözüni maňa aýan
etmän, saňa aýan eder öýdýäňmi?» diýdi.
24 Mikaýa: «Sen muny gizlenmek üçin
içki otaga giren günüň bilersiň» diýip
jogap berdi. 25 Ysraýyl patyşasy Ahap
şeýle diýdi: «Mikaýany al-da, ony yzy-
na, galanyň häkimi Amona we şazada
Ýowaşa eltip ber. 26 Ýowaşa we Amona
patyşa şeýle diýýär diý: „Mikaýany
tussaghana salyň-da, men söweşden
sag-salamat dolanyp gelýänçäm, oňa
açlykdan ölmezi ýaly ýeterlik çörek
bilen suw beriň“». 27 Mikaýa: «Eger sen
söweşden sag-salamat dolanyp gelseň,
onda Reb men arkaly geplän däldir»
diýdi. Soňra ol: «Eý, jemagat, muny
hemmäňiz eşidiň» diýdi.

### *Ahabyň ölümi*
*(1 Patyşalar 22:29-35)*

28 Şeýdip, Ysraýylyň patyşasy Ahap
bilen Ýahuda patyşasy Ýehoşapat Ramot-
gilgada hüjüm etmäge gitdiler. 29 Ysraýyl
patyşasy Ýehoşapada: «Meni tanamazlar
ýaly, men söweşe eşigimi üýtgedip girjek,
ýöne sen öz şalyk lybasyňy geý» diýdi.
Şeýdip, Ysraýylyň patyşasy eşigini üýt-
gedip, söweşe girdi. 30 Siriýa patyşasy öz
söweş arabalarynyň serkerdelerine: «Uly
bilen-de, kiçi bilen-de uruşman, diňe Ys-
raýylyň patyşasy Ahap bilen uruş ediň»
diýip tabşyrdy. 31 Söweş arabalarynyň
serkerdeleri Ýehoşapady görenlerinde:
«Şu hökman Ysraýylyň patyşasy bolma-
lydyr» diýip, oňa hüjüm etmek üçin şol
tarapa sowuldylar. Ýehoşapat bar sesine
gygyrdy. Reb onuň dadyna ýetişip, ser-
kerdeleri ondan daşlaşdyrdy. 32 Söweş
arabalarynyň serkerdeleri Ýehoşapadyň
Ysraýylyň patyşasy Ahap däldigini gö-
renlerinde, yzlaryna dolandylar. 33 Bir
adam ýaýyny çekip, tötänden Ysraýyl
patyşasynyň sowudynyň arasyndan urdy.
Patyşa öz arabaçysyna: «At arabasyny
yza öwür-de, meni söweşiň içinden çy-
kar, men ýaralandym» diýdi. 34 Şol gün
söweş gaty gazaply boldy. Ysraýylyň
patyşasy öz arabasynda agşama çenli
siriýalylara tarap bakyp durdy, ol Gün
ýaşanda öldi.

## 19-njy bap

1 Ýahuda patyşasy Ýehoşapat sag-aman
Iýerusalime, öz köşgüne dolanyp geldi.
2 Hananynyň ogly Ýehu görgür Ýehoşa-
padyň öňünden çykyp, oňa: «Sen näme
üçin ýamana ýardam edip, Rebbi ýigren-
ýänleri söýýäň? Şonuň üçin hem Rebbiň
gazaby seniň başyňdan inendir. 3 Muňa
garamazdan, sen gowy işler hem etdiň.
Sen Aşera butlaryny ýurtdan ýok edip,
ýüregiňi Hudaýy agtarmaklyga gönük-
dirdiň» diýdi.

### *Ýehoşapat kazylary belleýär*

4 Ýehoşapat Iýerusalimde ýaşady. Ol
Beýerşebadan Efraýym daglygyna çenli
bolan halklaryň arasyna gidip, olary
ata-babalarynyň Hudaýy Rebbe tarap
öwürdi. 5 Ol bütin ýurda, Ýahudanyň ähli
galalarynyň her birine kazylar belledi.
6 Ýehoşapat kazylara şeýle diýdi: «Işi-
ňize ünsli boluň! Çünki siz ynsanlaryň
adyndan däl-de, Rebbiň adyndan höküm

çykarýansyňyz. Reb höküm işinde siziň
bilendir. 7Rebbiň gorkusy siziň üstüňizde
bolsun. Işiňizde ägä boluň. Hudaýymyz
Rebde adalatsyzlyk, ýüz görmeklik ýa-
da para almaklyk ýokdur». 8Şeýle hem
Ýehoşapat Iýerusalimde Rebbiň adyndan
höküm çykarmak üçin we dawalary
çözmek üçin lewilerden, ruhanylardan
we Ysraýyl tirelerinden baştutanlar bel-
ledi. Olar şäherde ýaşadylar. 9Ýehoşapat
olara şeýle tabşyryk berdi: «Siz Rebbiň
gorkusy bilen, sadyklyk bilen tüýs ýü-
rekden işläň. 10Galalarynda ýaşaýan
ýoldaşlaryňyzdan size gelen her işde,
isle adam öldürmek dawasy bilen, isle
kanun, tabşyryk, parzlar ýa-da hök üm-
ler işi bilen bolsun, Rebbe garşy günä
etmezlige olara duýduryş beriň. Şon-
da siziň we ýoldaşlaryňyzyň üstünden
Onuň gazaby inmez. Şeýle ediň, şonda
siz ýazykly bolmarsyňyz. 11Rebbiň ähli
işlerinde baş ruhany Amarýa, patyşa-
nyň ähli işleri üçin Ýahuda tiresiniň
baştutany Ysmaýylyň ogly Zebadýa
siziň üstüňizden garaýandyr, lewiler
hem öňüňizde gözegçi bolarlar. Işde
batyr boluň! Reb ýagşylar bilen bolsun!»

## 20-nji bap

### *Ýehoşapat mowaplylary we ammonlylary ýeňýär*

1Mundan soň mowaplylar we
ammonlylar megunylar bilen birlikde
Ýehoşapadyň garşysyna söweşe çyk-
dylar. 2Ýehoşapada şeýle habar geldi:
«Deňziň aňyrsyndan, Edomdan bir uly
mähelle seniň garşyňa gelýär. Olar eý-
ýäm Haseson Tamardadyr». Bu ýere
Eýngedi-de diýilýär. 3Ýehoşapat gor-
kup, Rebbi agtarmagy ýüregine düwdi.
Ol bütin Ýahudada agyz beklemekligi
yglan etdi. 4Ýahuda halky Rebden medet
dilemek üçin ýygnanyşyp, Ýahudanyň
hemme şäherlerinden Rebbe ýalbar-
maga geldiler.

5Ýehoşapat Rebbiň öýünde, täze how-
lynyň öňünde Ýahuda we Iýerusalim
jemagatynyň öňünde durup, şeýle diý-
di: 6«Atalarymyzyň Hudaýy, ýa Reb!
Gökdäki Hudaý Sen dälmisiň? Bütin
milletleriň patyşalyklarynyň üstünden
höküm sürýän Sensiň. Güýç, gudrat Se-
niň eliňdedir, hiç kim Saňa garşy durup
bilmez. 7Eý, biziň Hudaýymyz, Sen bu
ýurduň ilatyny Öz halkyň Ysraýylyň
öňünden kowup çykaryp, ýurdy dostuň
Ybraýymyň nesillerine ebedilik berdiň.
8Olar ýurtda mesgen tutdular, ol ýerde
Seniň adyňa mukaddes öý bina edip,
şeýle diýdiler: 9„Başymyzdan betbagt-
çylyk inse, ýagny gylyç jezasy, gyrgyn
keseli ýa-da açlyk gelse, biz şu mukaddes
ýerde, Seniň huzuryňda durarys, çün-
ki Seniň adyň şu mukaddes ýerdedir.
Başymyza gelen betbagtçylyk zerarly
Saňa perýat etsek, Sen bizi eşidersiň we
halas edersiň“. 10-11Ine, indi ammonlylar,
mowaplylar we Segir dagynyň ilaty, bi-
ze miras beren ýurduňdan bizi kowup
çykarmakçy bolýarlar. Müsürden çykyp
gelýärkäler, ysraýyl halkyna Sen bu
milletleriň üstüne çozup girmäge ýol
bermediň, ysraýyllar hem yzyna dönüp,
olary ýok etmediler. 12Eý, Hudaýymyz,
Sen olaryň üstünden höküm çykar! Bi-
ze garşy gelýän bu beýik goşuna garşy
çykmaga bizde güýç-kuwwat ýok. Biz
näme etjegimizi bilemzok, gözümizi
Saňa dikýäris».

13Ýahuda erkekleriň bary öz ýaş ça-
gajyklary, aýallary we ogullary bilen
Rebbiň huzurynda durdular. 14Onsoň
halkyň arasyndan Asafyň neslinden
bolan lewilerden Ýahazyýalyň üs-
tüne Rebbiň Ruhy indi. Ýahazyýal

Zakarýanyň ogly, Benaýanyň agtygy,
Ýegiýeliň çowlugy we Matanýanyň ýuw-
lugydy. 15 Ýahazyýal şeýle diýdi: «Eý,
ýahuda halky, Iýerusalimiň ilaty, patyşa
Ýehoşapat, gulak asyň! Reb size şeýle
diýýär: „Siz bu beýik goşundan gorkmaň,
heder etmäň, çünki uruş siziňki däldir,
Hudaýyňkydyr. 16 Ertir olaryň üstüne
hüjüm ediň. Olar Ziz depesine çykarlar.
Siz olary Ýerubel çölüniň öňüsyrasynda,
deräniň aňry başynda taparsyňyz. 17 Bu
söweşde size söweşmek gerek däldir. Eý,
ýahuda we Iýerusalim halky, nyzama
duruň-da, garaşyň, Rebbiň size berjek
ýeňşini görüň". Gorkmaň, heder etmäň.
Ertir siz olaryň garşysyna çykyň. Reb
siz bilen bolar».

18 Ýehoşapat ýüzüni ýere berip sežde
etdi, tutuş ýahuda we Iýerusalim hal-
ky-da Rebbiň öňünde ýüzin düşüp, Oňa
sežde etdiler. 19 Lewiler, kohatlar we ko-
ralar belent owaz bilen Ysraýyl Hudaýy
Rebbe öwgi aýtmak üçin dik durdular.

20 Olar ertesi irden turup, Tekowa çö-
lüne tarap gitdiler. Olar ýola rowana
bolanlarynda, Ýehoşapat durup, şeýle
diýdi: «Eý, ýahuda we Iýerusalim ilaty,
maňa gulak asyň! Hudaýyňyz Rebbe
ynanyň, şonda berk durarsyňyz. Rebbiň
pygamberlerine ynanyň, şonda işiňiz
şowuna bolar». 21 Ýehoşapat halk bilen
maslahatlaşandan soň, Rebbiň şanly
huzurynda nagma hem öwgi aýdarlary
ýaly aýdymçylar belledi. Aýdymçylar
goşunyň öňünden gidip baryşlaryna:
«Rebbe şükür ediň, çünki Onuň söýgüsi
bakydyr» diýdiler.
22 Olar aýdym aýdyp, alkyşlamaga başlan
batlaryna, Reb Ýahudanyň garşysyna
gelen ammonlylara, mowaplylara we
Segir dagynyň ilatyna garşy duzak gurdy,
olary dowla saldy. 23 Çünki ammonlylar
we mowaplylar Segir dagynyň ilatyna
hüjüm edip, olary bütinleý ýok edipdiler.
Segir dagynyň ilatynyň soňuna çykan-
dan soň, ammonlylar we mowaplylar
biri-birlerini gyrmaga başladylar.

24 Ýahuda halky çöldäki gözegçilik
diňine gelende, uly goşuna tarap seret-
diler, maslyklar ýerde pytrap ýatyrdylar.
Gaçyp gutulan adam ýokdy. 25 Ýehoşapat
bilen onuň adamlary olaryň oljasyny
almaga gelenlerinde, olar ummasyz
köp mallar, harytlar, egin-eşikler we
gymmatbaha zatlar tapdylar. Olar göte-
rip äkiderden köp olja aldylar, olar olja
gaty köp bolandygy üçin, ony üç günläp
topladylar. 26 Dördünji gün olar Beraka
deresine ýygnanyp, şol ýerde Rebbi
alkyşladylar. (Şonuň üçin-de bu dere
şu güne çenli hem Beraka [a] deresidir.)
27 Onsoň ýahuda we Iýerusalim halky Ýe-
hoşapadyň baştutanlygynda şatlyk bilen
Iýerusalime dolanyp geldiler, çünki Reb
olara duşmanlarynyň üstünden ýeňiş
gazandyrypdy. 28 Olar Iýerusalimdäki
Rebbiň öýüne arfadyr liralar we surnaý-
lar çalyp geldiler. 29 Rebbiň Ysraýylyň
duşmanlarynyň garşysyna eden söweşi
barada eşidenlerinde, ähli ýurtlaryň
patyşalyklaryna Rebbiň gorkusy indi.
30 Ýehoşapadyň ýurdy asudalykda bol-
dy, çünki Hudaý olara hemme tarapdan
asudalyk beripdi.

31 Şeýdip, Ýehoşapat Ýahuda paty-
şalyk etdi. Ýehoşapat patyşa bolanda
otuz bäş ýaşyndady. Ol ýigrimi bäş ýyl
Iýerusalimde patyşalyk etdi, onuň eje-
siniň ady Azubady. Ol Şilhiniň gyzydy.
32 Ýehoşapat Rebbiň nazarynda dogry
işlerini edip, kakasy Asanyň ýollaryn-
dan ýöräp, ondan çykmady. 33 Emma

[a] **20:26** ***Beraka*** – bu söz *alkyş* diýmegi aňladýar.

Ýahudadaky seždegähler entek hem doly
aýrylmandy. Halk entek hem ýüregini
ata-babalarynyň Hudaýyna baglamandy.
34 Ýehoşapadyň başdan-aýak eden ähli
işleri barada Hananynyň ogly Ýehuwyň
işlerinde – Ysraýyl patyşalarynyň taryh
kitabynda ýazylandyr.
35 Ömrüniň ahyrynda Ýahudanyň pa-
tyşasy Ýehoşapat pis işleri eden Ysraýyl
patyşasy Ahazýa goşuldy. 36 Ýehoşapat
Tarşyşa gidýän gämileri ýasamak üçin
Ahazýa goşuldy. Olar gämileri Esýon-
geberde ýasadylar. 37 Onsoň Mareşadan
bolan Dodawahunyň ogly Eligezer Ýeho-
şapada garşy pygamberlik edip: «Ahazýa
goşulandygyň üçin Reb seniň ýasan
zadyňy ýok eder» diýdi. Gämiler çagşap,
olar Tarşyşa gidip bilmediler.

## 21-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Ýehoram*
*(2 Patyşalar 8:16-19)*

1 Ýehoşapat ata-babalaryna gowuşdy.
Ol Dawut galasynda, atalarynyň ýa-
nynda jaýlandy. Ogly Ýehoram onuň
ýerine patyşa boldy. 2 Ýehoramyň ini-
leri şulardy: Azarýa, Ýehiýel, Zakarýa,
Azarýahu, Mikaýyl we Şepatýa. Bular
Ýehoşapadyň ogullarydy. 3 Olaryň ka-
kasy ogullaryna Ýahudadaky galalar
bilen birlikde kümüşden, altyndan we
gymmatbaha zatlardan ybarat bolan köp
sowgatlar beripdi. Emma Ýehoşapat
patyşalygy Ýehorama beripdi. Ýehoram
onuň nowbahar ogludy. 4 Ýehoram ka-
kasynyň tagtyna çykyp, patyşalygyny
berkidensoň, ol ähli inilerini hem-de
Ysraýylyň käbir baştutanlaryny gylyç-
dan geçirdi. 5 Ýehoram patyşa bolanda
otuz iki ýaşyndady. Ol Iýerusalime sekiz
ýyl patyşalyk etdi. 6 Ahabyň nesille-
riniň edişi ýaly, Ýehoram-da Ysraýyl
patyşalarynyň ýollaryndan ýöredi, çünki
Ahabyň gyzy onuň aýalydy. Ýehoram
Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri etdi.
7 Emma Reb Dawuda onuň nesillerinden
biriniň ömürlik tagtda oturjakdygyny
wada berendigi we Öz guly Dawut bilen
äht edendigi üçin Ýahudany derbi-dagyn
etmek islemedi.

### *Edomyň gozgalaňy*
*(2 Patyşalar 8:20-22)*

8 Ýehoramyň döwründe edomly-
lar gozgalaň turzup, Ýahudanyň gol
astyndan çykdylar we özlerine bir pa-
tyşa goýdular. 9 Onsoň Ýehoram söweş
arabalarynyň serkerdeleri bilen gitdi.
Edomlylar Ýehoram bilen onuň ser-
kerdeleriniň daşyny gabadylar, ýöne
Ýehoram ýanyndakylar bilen gije edom-
lylaryň içinden geçip gaçdylar. 10 Şeýdip,
Edom şu güne çenli hem Ýahuda garşy
gozgalaň turzup, oňa garaşsyz bolup
gelýär. Edil şol wagtda Libna galasy
hem Ýahudanyň garşysyna uruş turuzdy,
çünki Ýehoram ata-babalarynyň Hudaýy
Rebbi ret edipdi.
11 Mundan başga-da, Ýehoram Ýahu-
da daglygyndaky butlara seždegähleri
gurdy. Ol Iýerusalimiň ilatyna Hudaýa
biwepalyk etdirip, Ýahudany azdyr-
dy. 12-13 Ýehorama Ylýasdan ine, şu hat
geldi: «Ataň Dawudyň Hudaýy Reb
şeýle diýýär: „Sen kakaň Ýehoşapa-
dyň we Ýahudanyň patyşasy Asanyň
ýollaryna eýermän, eýsem Ysraýylyň
patyşalarynyň ýollaryna eýerip, Ysra-
ýylyň patyşasy Ahabyň Ysraýyla edişi
ýaly, Ýahudanyň we Iýerusalimiň ila-
tyna Hudaýa biwepalyk etdirdiň. Sen
şeýle hem öz maşgala agzalaryň bolan
inileriňi öldürdiň. Olar senden gowudy-
lar. 14 Ine, Reb seniň halkyň, çagalaryň,
aýallaryň, ähli mal-mülküň başyndan

agyr külpet inderer. [15]Sen bolsa agyr
içege keseline ýolugarsyň, tä içegeleriň
daşyna akyp çykýança, keseliň günsa-
ýyn ýaramazlaşar“».

[16]Reb piliştlileriň we efiopiýalylaryň
golaýyndaky araplaryň Ýehorama gar-
şy gazabyny oýardy. [17]Olar Ýahudanyň
üstüne çozup girip, patyşanyň köşgüne
degişli bolan ähli mal-mülkleri, patyşa-
nyň ogullarydyr aýallaryny alyp gitdiler.
Patyşanyň körpe ogly Ýehogahazdan
başga ogly galmady.

[18]Bu wakalardan soň, Reb Ýehoramy
bejerip bolmaýan içege keseline ýoluk-
dyrdy. [19]Iki ýyllap onuň keseli günsaýyn
ýaramazlaşyp, ikinji ýylyň ahyrynda
içegeleri daşyna çykyp, ol agyr jebir-
-sütemden ýaňa dünýäden ötdi. Onuň
halky ata-babalaryna edişleri ýaly, onuň
hatyrasyna ot ýakmadylar. [20]Ýehoram
patyşa bolanda otuz iki ýaşyndady. Ol
sekiz ýyl Iýerusalime patyşalyk etdi.
Onuň ölümine gynanç bildiren bolmady.
Olar Ýehoramy Dawut galasynda jaýla-
dylar; ýöne ony patyşalaryň mazarynda
goýmadylar.

## 22-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Ahazýa*
*(2 Patyşalar 8:25-29; 9:21-28)*

[1]Iýerusalimiň ilaty Ýehoramyň körpe
ogly Ahazýany kakasynyň ýerine patyşa
etdi. Ýehoramyň beýleki ogullarynyň
ählisini araplar bilen düşelgä gelen leş-
ger öldüripdi. Şeýdip, Ýehoramyň ogly
Ahazýa Ýahuda patyşa boldy. [2]Ahaz-
ýa patyşa bolanda kyrk iki ýaşyndady.
Ol Iýerusalime bir ýyl patyşalyk etdi.
Onuň ejesi Atalýa Ysraýylyň patyşa-
sy Omrynyň agtygydy. [3]Ahazýa hem
Ahabyň maşgalasynyň pis ýolundan
ýöredi. Ahazýanyň ejesi pis iş etmekde
geňeşçisidi. [4]Ahazýa hem Ahabyň maş-
galasy ýaly, Rebbiň nazarynda ýigrenji
işleri etdi. Kakasy ölenden soň, Ahabyň
nesilleri Ahazýanyň geňeşçisi bolup, ony
heläkçilige uçratdylar. [5]Ahazýa olaryň
maslahatyna eýerip, Ysraýylyň patyşa-
sy Ahabyň ogly Ýoram bilen Siriýanyň
patyşasy Hazaýyla garşy uruşmak üçin
Ramotgilgada gitdi. Siriýalylar şol ýerde
Ýoramy ýaraladylar. [6]Ýoram Ramot-
gilgatda Hazaýyla garşy urşup ýörkä,
siriýalylaryň özüne salan ýaralaryny
bejertmek üçin Ýizregele gaýdyp gel-
di. Ýahuda patyşasy Ýehoramyň ogly
Ahazýa[a] ýaralanan Ahabyň ogly Ýoramy
görmek üçin Ýizregele gitdi.

[7]Emma Ahazýanyň Ýoramyň ýanyna
gelip heläk bolmagy Hudaý tarapyndan-
dy. Ahazýa bu ýere gelip, Ýoram bilen
bile Nimşiniň ogly Ýehuwyň ýanyna
gitdi. Reb Ahabyň nesillerini ýok etmek
üçin Ýehuwy saýlapdy. [8]Ýehu Ahabyň
nesillerine höküm edýärkä, Ýahuda-
nyň baştutanlaryna we Ahazýa hyzmat
eden Ahazýanyň doganlarynyň ogulla-
ryna duşup, olary öldürdi. [9]Ýehuwyň
adamlary Ahazýany agtardylar. Ahaz-
ýa Samariýada gizlenip ýörkä tutulyp,
Ýehuwyň ýanyna getirildi we öldürildi.
Ony jaýlap, şeýle diýdiler: «Ahazýa
Rebbe bütin kalby bilen tabyn bolan
Ýehoşapadyň agtygydyr». Ahazýanyň
nesillerinden patyşalygy dolandyryp
biljek adam galmandy.

### *Ýowaş Atalýadan halas edilýär*
*(2 Patyşalar 11:1-3)*

[10]Ýahuda patyşasy Ahazýanyň ejesi
Atalýa öz oglunyň öldürilendigi barada

[a] **22:6** ***Ahazýa*** – käbir gadymy golýazmalarda *Azarýa*.

eşiden dessine, Ýahudadaky ähli patyşa
nesillerini ýok etdi. 11 Emma patyşanyň
gyzy Ýehoşabgat patyşanyň öldürilmeli
şazadalarynyň içinden Ahazýa patyşa-
nyň ogly Ýowaşy ogurlap, ony enekesi
bilen bile ýatylýan otagda goýdy. Şeý-
dip, Ýehoram patyşanyň gyzy, ruhany
Ýehoýadanyň aýaly, Ahazýa patyşanyň
uýasy Ýehoşabgat Ýowaşy Atalýadan
gizledi we Ýowaş diri galdy. 12 Ýowaş
alty ýyllap Ýehoşabgat bilen Hudaýyň
öýünde gizlenip gezdi. Şol döwürde
Atalýa ýurtda şalyk sürdi.

## 23-nji bap

### *Atalýa garşy pitne*
*(2 Patyşalar 11:4-16)*

1 Ýedinji ýylda Ýehoýada gaýrata ga-
lyp, ýüzbaşylar Ýerohamyň ogly Azarýa,
Ýehohananyň ogly Ysmaýyl, Obediniň
ogly Azarýa, Adaýanyň ogly Magase-
ýa we Zikriniň ogly Elişapat bilen äht
edişdi. 2 Ýüzbaşylar Ýahuda aýlanyp,
Ýahudanyň ähli şäherlerinden lewileri
we Ysraýylyň tirebaşylaryny toplap,
Iýerusalime geldiler. 3 Onsoň bütin je-
magat Hudaýyň öýünde patyşanyň ogly
bilen äht edişdi. Ýehoýada olara şeýle
diýdi: «Ine, bu patyşanyň ogludyr. Reb-
biň Dawudyň ogullary barada beren
wadasyna görä patyşalyk eder. 4 Siziň
etmeli işiňiz şudur: Sabat güni hyzmata
gelýän ruhanylaryň we lewileriň üçden
biri derwezeban bolsun. 5 Üçden biriňiz
patyşanyň köşgünde, üçden biriňiz Bina
derwezesinde, tutuş halk hem Rebbiň
öýüniň howlusynda bolsun. 6 Rebbiň
öýüne ruhanylardan we hyzmat edýän
lewilerden başga hiç kim girmesin. Ru-
hanylar bilen lewiler girip bilerler, çünki
olar mukaddesdirler. Ýöne bütin halk
Rebbiň görkezmelerini berjaý etsin.
7 Lewileriň ählisiniň eli ýaragly bolup,
olar patyşanyň daşyny gurşasyn. Öýe
ýakynlaşan adam öldürilsin. Patyşa gi-
rende-çykanda onuň ýanynda boluň».

### *Ýowaş patyşalyga bellenýär*
*(2 Patyşalar 11:17-20)*

8 Lewiler we bütin ýahuda halky Ýe-
hoýada ruhanynyň tabşyran zatlaryny
aýdyşy ýaly ýerine ýetirdiler. Olaryň
hersi öz adamlaryny Sabat güni nobat-
çylyk edenleri-de, etmedikleri-de alyp
geldiler, Ýehoýada ruhany toparlaryň hiç
birini goýbermedi. 9 Ýehoýada ruhany
Dawut patyşanyň Hudaýyň öýündäki
naýzalaryny, uly we kiçi galkanlaryny
serkerdelere berdi. 10 Ýehoýada bütin
halky patyşany goramak üçin öýüň daş-
töwereginde, gurbanlyk sypasynyň we
öýüň töwereginde garawul hökmünde
goýdy, olaryň hersiniň elleri ýaragly-
dy. 11 Onsoň Ýehoýada patyşanyň ogly
Ýowaşy daşary çykaryp, başyna täç
geýdirip, oňa patyşalyk ähtini berdi.
Ýehoýada bilen onuň ogullary Ýowa-
şyň başyna ýag guýup, ony patyşalyga
bellediler. Ony patyşa diýip yglan edip:
«Ýaşasyn patyşa!» diýip gygyryşdylar.
12 Atalýa halkyň ylgaşyp, patyşany
alkyşlaýanyny eşidende, halkyň ýanyna,
Rebbiň öýüne geldi. 13 Görse, ine, patyşa
girelgede öz sütüniniň ýanynda durdy.
Serkerdelerdir surnaýçylar-da patyşanyň
ýanyndadylar. Ýurduň bütin halky şatla-
nyp, surnaý çalýardy, nagmaçylar hem
öz saz gurallary bilen alkyş aýdýardylar.
Atalýa ýakasyny ýyrtyp: «Haýynlyk!
Haýynlyk!» diýip gygyrdy. 14 Onsoň
Ýehoýada ruhany goşun ýüzbaşylaryna:
«Atalýany bu ýerden çykaryň. Onuň
yzyna eýereni gylyçdan geçiriň» diýip
buýruk berdi. Çünki ruhany: «Goý, ol
Rebbiň öýünde öldürilmesin» diýipdi.

[15]Şeýdip, olar Atalýany tutdular. Ony
At derwezesinden patyşanyň köşgüne
getirip, şol ýerde öldürdiler.
[16]Halk Rebbiň halky bolar ýaly, Ýeho-
ýada özüniň, bütin halkyň we patyşanyň
arasynda äht etdi. [17]Onsoň bütin halk
Bagalyň buthanasyna baryp, ony ýykdy.
Ondaky gurbanlyk sypalaryny, butlary
döwüp, bölek-bölek edip taşladylar. Olar
Bagalyň ruhanysy Mattany gurbanlyk
sypalarynyň öňünde öldürdiler. [18]Ýe-
hoýada Rebbiň öýüne gözegçilik etmek
işine ruhanylary we lewileri belledi.
Dawut olary Rebbiň öýüne gözegçi-
lik etmäge belläpdi. Olar Musanyň
kanunynda ýazylyşy ýaly, Dawudyň
tabşyrygy boýunça şadyhorramlyk we
aýdym-saz bilen Rebbe ýakma gur-
banlyklar hödürlemelidiler. [19]Ýehoýada
Rebbiň öýüne hiç bir haram adam gir-
mez ýaly, onuň derwezesinde garawullar
goýdy. [20]Ýehoýada ruhany ýüzbaşylary,
han-begleri, halkyň häkimlerini, ýurduň
bütin halkyny özi bilen alyp gitdi. Olar
patyşany Rebbiň öýünden alyp, ýokarky
derwezäniň üsti bilen köşge getirdiler.
Ýowaşy şa tagtynda oturtdylar. [21]Şeý-
dip, ýurduň bütin ilaty şat boldy. Atalýa
gylyçdan geçirilenden soň, şäherde üm-
sümlik boldy.

## 24-nji bap

***Ýowaş Rebbiň öýüni bejerdýär***
*(2 Patyşalar 12:1-16)*

[1]Ýowaş patyşalyk edip başlanda ýedi
ýaşyndady. Ol kyrk ýyllap Iýerusalimde
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Beýerşebadan
bolup, ady Sibýady. [2]Ýowaş Ýehoýada
ruhanynyň bütin ömrüne Rebbiň na-
zarynda dogry işlerini etdi. [3]Ýehoýada
Ýowaşa iki aýal alyp berdi; Ýowaş olar-
dan ogullardyr gyzlar gördi.

[4]Mundan soň Ýowaş Rebbiň öýüni
dikeltmegi ýüregine düwdi. [5]Ýowaş
ruhanylary we lewileri ýygnap, olara
şeýle diýdi: «Ýahudanyň şäherlerine
gidiň-de, Hudaýyňyzyň öýüni her ýyl
bejermek üçin bütin ysraýyl halkyndan
pul toplaň. Bu işi dessine ýerine ýetiriň».
Emma lewiler howlukmadylar. [6]Şeý-
dip, Ýowaş patyşa Ýehoýada baştutany
çagyryp, oňa şeýle diýdi: «Näme üçin
Rebbiň guly Musanyň ysraýyl halkyna
Äht çadyry üçin salan salgydyny Ýahu-
dadan we Iýerusalimden getirmekligi
lewilerden talap etmediň?» [7]Pis aýal
Atalýanyň ogullary Hudaýyň öýüne
urup girip, Rebbiň öýündäki mukaddes
zatlary Bagal butlaryna sežde etmekde
ulanypdylar.
[8]Patyşa sandyk ýasamagy buýurdy.
Sandygy ýasap, ony Rebbiň öýüniň der-
wezesiniň agzynda goýdular. [9]Hudaýyň
guly Musanyň çölde ysraýyl halkyna
salan salgydynyň Reb üçin getirilme-
lidigi Ýahudada we Iýerusalimde yglan
edildi. [10]Ähli baştutanlar we bütin halk
şadyhorramlyk bilen salgytlaryny ge-
tirip, tä sandyk dolýança, oňa atdylar.
[11]Lewiler sandygy patyşanyň emeldar-
laryna getirip berenlerinde, onuň içinde
köp puluň toplanandygyny görýärdiler.
Patyşanyň kätibi bilen baş ruhany gelip,
sandygy boşadyp, ony äkidip öz ýe-
rinde goýýardylar. Olar her gün şeýle
edip, gaty köp pul topladylar. [12]Patyşa
we Ýehoýada puly Rebbiň öýünde işle-
ýän işçilere gözegçilik edýän adamlara
berdiler. Olar hem şol puldan neçjarlara,
ussalara, şeýle hem, demir we bürünç
ussalaryna Rebbiň öýüni bejermek
üçin iş hakyny tölediler. [13]Gözegçiler
öz işlerini etdiler. Olaryň bejeriş işleri
rowaç aldy. Olar Hudaýyň öýüni öňki
halyna getirip, ony berkitdiler. [14]Olar işi

tamamlanlaryndan soň, galan puly paty-
şa we Ýehoýada ruhana getirip berdiler.
Galan puldan Rebbiň öýi üçin enjam-
lary, hyzmat üçin we ýakma gurbanlyk
bermek üçin enjamlar, jamlar, altyn we
kümüş esbaplar ýasadylar. Olar Ýeho-
ýadanyň ömrüniň dowamynda hemişe
Rebbiň öýünde ýakma gurbanlyklar
hödür etdiler.

### *Ýehoýadanyň ölüminden soňky wakalar*

15 Ýehoýada garrap, ýaşy birçene ýetip,
bir ýüz otuz ýaşynda dünýäden ötdi.
16 Ýehoýadany Ysraýylda Hudaý we
Onuň öýi üçin eden gowy işleri sebäpli
Dawut galasynda patyşalaryň ýanyn-
da jaýladylar. 17 Ýehoýada ölenden soň,
Ýahudanyň baştutanlary gelip, patyşa
tagzym etdiler. Patyşa olara gulak asdy.
18 Olar ata-babalarynyň Hudaýy Rebbi
terk edip, Aşera we beýleki butlara gul-
luk etdiler. Olaryň bu günäleri sebäpli
Ýahudanyň we Iýerusalimiň üstünden
Hudaýyň gazaby indi. 19 Reb olary Özü-
ne tarap öwürmek üçin olaryň arasyna
pygamberler iberdi. Pygamberler olaryň
garşysyna şaýatlyk etdiler, ýöne olar
gulak asmadylar.
20 Onsoň Ýehoýada ruhanynyň ogly
Zekarýanyň üstüne Hudaýyň Ruhy in-
di. Zekarýa halkyň öňünde dik durup,
şeýle diýdi: «Reb şeýle diýýär: „Nä-
me üçin Rebbiň tabşyryklaryny terk
edýärsiňiz? Siziň işiňiz rowaç almaz.
Rebbi terk edendigiňiz üçin, Ol hem sizi
terk etdi“». 21 Emma halk Zekarýanyň
garşysyna dil düwşüp, ony patyşanyň
tabşyrygy bilen Rebbiň öýüniň howlu-
synda daşlap öldürdi. 22 Patyşa Ýowaş
Zekarýanyň kakasy Ýehoýadanyň özüne
eden ýagşylyklaryny ýatlaman, onuň
ogluny öldürdi. Zekarýa ölmeziniň öň
ýanynda: «Reb muny görüp, hasabyny
sorasyn!» diýdi.
23 Ýylyň ahyrynda Siriýa goşuny Ýo-
waşyň garşysyna çykdy. Olar Ýahuda
we Iýerusalime gelip, halkyň baştu-
tanlarynyň baryny ýok etdiler. Olardan
alnan ähli oljany Damaskdaky patyşa
iberdiler. 24 Siriýalylaryň goşuny az hem
bolsa, Reb Ýahudanyň uly goşunyny
olaryň eline berdi, çünki Ýahudanyň
halky ata-babalarynyň Hudaýy Reb-
bi terk edipdiler. Şeýdip, olar Ýowaşy
jezalandyrdylar.
25 Siriýalylar Ýowaşa agyr ýara salyp,
onuň ýanyndan gidenlerinden soň, Ýo-
waşyň öz nökerleri Ýehoýada ruhanynyň
oglunyň gany üçin ar almaga onuň gar-
şysyna dildüwşük gurap, ony düşeginde
öldürdiler. Şeýdip, Ýowaş öldi. Ýowaşy
Dawut galasynda jaýladylar, ýöne ony
patyşalaryň ýanynda jaýlamadylar. 26 Ýo-
waşyň garşysyna dildüwşük guranlar:
ammonly Şimgat atly aýalyň ogly Zabat,
mowaply aýal Şimritiň ogly Ýehozabat-
dy. 27 Ýowaşyň ogullary, Ýowaşa garşy
edilen köp çykyşlar we Hudaýyň öýüniň
täze gurluşygy patyşalaryň taryh kita-
bynda ýazylandyr. Ýowaşyň ýerine ogly
Amazýa patyşa boldy.

## 25-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Amazýa*
*(2 Patyşalar 14:2-6)*

1 Amazýa patyşa bolanda ýigrimi bäş
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde ýigrimi
dokuz ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi
iýerusalimli bolup, ady Ýehogadyndy.
2 Amazýa Rebbiň nazarynda dogry iş-
leri etdi, ýöne bu çyn ýürekden däldi.
3 Amazýa patyşalygyny kuwwatlan-
dyryp, öz kakasyny öldüren nökerleri
öldürdi. 4 Emma Musanyň Töwratda

berlen tabşyryklary berjaý edip, Amazýa
kakasyny öldüren nökerleriň çagalary-
ny öldürmedi, çünki Reb şol kitapda:
«Ene-atalar çagalarynyň günäsi üçin
öldürilmesin, çagalar-da ene-atalarynyň
günäleri üçin öldürilmesin, her kim öz
günäsi üçin öldürilsin» diýip tabşyryk
beripdi [a].

### *Edomlylara garşy uruş*

5 Amazýa ýahuda halkyny ýygnap, ähli
ýahudalary we benýaminleri uruglaryna
görä müňbaşylaryň we ýüzbaşylaryň
baştutanlygy astynda goýdy. Ýigrimi
we ondan ýokary ýaşlylary sanap, olar-
dan naýza we galkan göterip, söweşip
biljek üç ýüz müň saýlama esger tapdy.
6 Amazýa ýüz ýetmiş batman [b] kümşe
Ysraýyldan ýüz müň batyr ýigidi hakyna
tutdy. 7 Emma Hudaýyň bir adamy gelip,
Amazýa şeýle diýdi: «Eý, patyşa! Ysraýyl
goşuny seniň bilen gitmesin. Reb ysra-
ýyl halky, ýagny ähli efraýymlar bilen
däldir. 8 Eger efraýymlar seniň bilen
gitseler, sen edermenlik bilen söweşseň-
de, Hudaý seniň duşmanlaryňa ýeňiş
berer, çünki ýeňiş berýän-de, ýeňlişe
sezewar edýän-de Hudaýdyr». 9 Amazýa
Hudaýyň adamyna: «Ysraýyl goşunyna
beren ýüz ýetmiş batman kümşüm bilen
näme etmeli?» diýdi. Hudaýyň adamy:
«Reb saňa ondan hem artyk berip biler»
diýip jogap berdi. 10 Onsoň Amazýa Ef-
raýymdan gelen goşuny boşadyp, ony
yzyna goýberdi. Emma olaryň Ýahuda
garşy gazaby lowlap, gahar-gazap bilen
öýlerine dolandylar.
11 Amazýa güýç toplap, öz goşunyna
baş bolup, Duz deresine gitdi we ol ýerde
Segir halkyndan on müň adamy öldürdi.
12 Ýahudanyň esgerleri ýene on müň
adamy diriligine tutup, olary gaýanyň
depesine çykaryp, şol ýerden aşak taşla-
dylar. Olar bölek-bölek boldular. 13 Emma
Amazýanyň özi bilen urşa gitmesin diýip
yzyna iberen goşunynyň esgerleri Sama-
riýadan Beýthorona çenli bolan Ýahuda
şäherlerine hüjüm edip, üç müň adamy
öldürdiler we köp olja aldylar.
14 Amazýa edomlylardan üstün çykyp
gelende, Segir halkynyň hudaýlaryny
getirip, olary öz hudaýlary hökmünde
goýup, olara sežde edip, olara gurban-
lyklar ýakdy. 15 Rebbiň Amazýa gahary
gelip, onuň ýanyna bir pygamber iberdi.
Pygamber Amazýa: «Näme üçin sen öz
halkyny seniň eliňden halas edip bilme-
dik halkyň taňrylaryna sežde edýärsiň?»
diýdi. 16 Pygamber sözleýärkä, patyşa
oňa: «Biz seni patyşa maslahatçy edip
belledikmi? Bes et! Ýogsam öldüriler-
siň» diýdi. Pygamber: «Seniň şeýle edip,
meniň maslahatyma gulak goýmandygyň
üçin, Hudaýyň seni öldürmegi karar eden-
digini men bilýärin» diýip, sözüni bes etdi.

### *Ysraýyla garşy uruş*
*(2 Patyşalar 14:8-20)*

17 Onsoň Ýahuda patyşasy Amazýa
maslahatlaşyp, Ýehogahazyň ogly, Ýehu-
wyň agtygy Ysraýyl patyşasy Ýehowaşa
çapar ýollap: «Gel, ýüzbe-ýüz bola-
ly» diýdi. 18 Ysraýyl patyşasy Ýehowaş
Ýahuda patyşasy Amazýanyň ýanyna
adam iberip, şeýle diýdi: «Liwandaky
ýandak Liwandaky kedr agajyna saw-
çy ýollap: „Gyzyňy meniň ogluma ber“
diýip sorapdyr. Emma Liwandaky bir
wagşy haýwan geçip barýarka, ýandagy
depeläpdir. 19 Sen: „Ine, men edomlylar-

---

[a] **25:4** Seret: Kan 24:16.
[b] **25:6** ***Ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3,4 tonna deňdir.

dan üstün çykdym“ diýip öwnüp, muňa
buýsanýarsyň. Sen öýüňde otur. Näme
üçin sen özüňiň we patyşalygyň başyna
bela getirmegine bahana agtarýarsyň?»
20 Emma Amazýa muňa gulak asma-
dy. Bu zatlar Ýahudany duşmanlarynyň
eline bermek üçin Hudaý tarapyndan
edilipdi, sebäbi halk Edom hudaýlaryna
sežde edipdiler. 21 Şeýdip, Ysraýyl paty-
şasy Ýehowaş öz goşuny bilen Ýahuda
patyşasy Amazýanyň üstüne gitdi. Ýeho-
waş Ýahudanyň Beýtşemeş diýen ýerinde
Amazýa garşy uruşda onuň bilen ýüz-
be-ýüz sataşdy. 22 Ýahuda halky ysraýyl
halkyndan ýeňlip, hersi öz çadyrlaryna
gaçyp gitdiler. 23 Ysraýyl patyşasy Ýeho-
waş Ahazýanyň agtygy, Ýowaşyň ogly
Ýahuda patyşasy Amazýany Beýtşemeş-
de tutup, Iýerusalime getirdi. Ýehowaş
Iýerusalimiň diwarynyň Efraýym der-
wezesinden Künç derwezesine çenli dört
ýüz tirsek aralygyny ýykdy. 24 Ýehowaş
Obededomyň ygtyýaryndaky Hudaýyň
öýündäki altyn-kümşüň, enjamlaryň
baryny we patyşanyň köşgündäki hazy-
nalary, bulardan daşary-da girew alan
adamlaryny alyp, Samariýa dolanyp geldi.

### *Amazýanyň ölümi*

25 Ýowaşyň ogly Ýahuda patyşasy
Amazýa, Ýehogahazyň ogly Ysraýyl
patyşasy Ýehowaş ölenden soň on bäş
ýyl ýaşady. 26 Amazýanyň başdan-aýak
eden ähli işleri Ýahuda we Ysraýyl paty-
şalarynyň taryh kitabynda ýazylandyr.
27 Amazýanyň Rebbiň yzyna eýermekden
ýüz öwren pursadyndan başlap, Iýe-
rusalimde onuň garşysyna dildüwşük
guraldy. Onsoň Amazýa Lakyşa gaçyp
gitdi. Emma onuň yzyndan Lakyşa adam
iberip, olar ony şol ýerde öldürdiler.
28 Onsoň Amazýanyň jesedini atlara
ýükläp getirdiler-de, ony Ýahuda şähe-
rinde [a] atalarynyň ýanynda jaýladylar.

## 26-njy bap

### *Ýahuda patyşasy Uzyýa*
*(2 Patyşalar 14:21-22; 15:1-7)*

1 Bütin ýahuda halky on alty ýaşly
Uzyýany alyp, ony kakasy Amazýanyň
deregine patyşa etdi. 2 Patyşa Amazýa
ata-babalaryna gowşandan soň, Uzyýa
Eýlaty täzeden gurup, ony Ýahuda gaý-
taryp berdi. 3 Uzyýa patyşa bolanda on
alty ýaşyndady. Ol Iýerusalimde elli iki
ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi Ýekolýa
iýerusalimlidi. 4 Uzyýa öz kakasy Amaz-
ýa ýaly, Rebbiň nazarynda dogry işleri
etdi. 5 Özüne Hudaýdan gorkmaklygy
öwreden Zakarýanyň bütin ömrüne
Uzyýa Hudaýa tabyn boldy. Rebbe tabyn
bolan döwürlerinde Hudaý Uzyýanyň
işine rowaçlyk berdi.
6 Uzyýa gidip, piliştlilere garşy urşup,
Gatyň, Ýabnäniň we Aşdodyň diwarla-
ryny ýykdy. Ol Aşdodyň töwereginde we
Piliştiň beýleki çäklerinde galalar gurdy.
7 Piliştlilere, Gurbagalda ýaşan arapla-
ra we megunylara garşy alyp barýan
uruşlarynda Hudaý Uzyýa ýardam etdi.
8 Ammonlylar Uzyýa salgyt tölediler.
Uzyýa has güýçlenip, şan-şöhraty Müsü-
riň çäklerine çenli ýaýrady. 9 Şeýle hem,
Uzyýa Iýerusalimdäki Künç, Dere we
Burç derwezelerinde diňler gurup, olary
berkitdi. 10 Uzyýa çölde-de diňler gurup,
köp guýulary gazdyrdy. Onuň günbatar
baýyrlykda we düzlükde uly mal sürüsi
bardy, daglarda we mes toprakly ýerlerde
daýhanlary we üzüm bagbanlary bardy.
Uzyýa daýhançylyk etmegi söýýärdi.

[a] **25:28** ***Ýahuda şäheri*** – bu Iýerusalimiň beýleki ady.

11 Uzyýanyň söweşe ukyply esgerleri
bardy. Olar patyşanyň serkerdelerinden
bolan Hananýanyň gol astyndaky kätip
Ýegiýel we serkerde Magaseýanyň tara-
pyndan geçirilen tükellemäniň sanyna
görä topar-topar bolup söweşe çykdylar.
12 Batyr ýigitleriň urugbaşylarynyň umu-
my sany iki müň alty ýüzdi. 13 Olaryň gol
astynda üç ýüz ýedi müň bäş ýüz esger-
den ybarat goşun bardy. Olar uly güýç
bilen duşmana garşy söweş edip, patyşa
ýardam ederdiler. 14 Uzyýa tutuş goşuny
galkanlar, naýzalar, tuwulgalar, sowutlar,
ýaýlar we sapan daşlary bilen üpjün etdi.
15 Uzyýa diňleriň we diwar burçlarynyň
üstünden oklar we uly daşlar atmaga
ukyply adamlar tarapyndan oýlanyp
tapylan desgalary Iýerusalimde goýdy.
Onuň şan-şöhraty uzaklara ýaýrady.
Oňa uly ýardam edilip, ol juda güýçlendi.

### *Uzyýa gopbamlyk edýär*

16 Uzyýa kuwwatlananda, gopbamlyk
edip, heläkçilige uçrady. Ol Hudaýy Reb-
be haýynlyk etdi, ol ýakymly ysly tütetgi
sypasynda tütetgi ýakmak üçin Rebbiň
ybadathanasyna girdi. 17 Ruhany Azar-
ýa Rebbiň segsen batyr ruhanysy bilen
Uzyýanyň yzyndan girdi. 18 Olar Uzyýa
patyşa garşy çykyp, oňa şeýle diýdiler:
«Eý, Uzyýa, Rebbe ýakymly ysly tütetgi
ýakmak seniň işiň däl, ol Harunyň neslin-
den bolan, mukaddes edilen ruhanylaryň
işidir. Sen mukaddes öýden çyk, çünki
sen hyýanat etdiň. Bu iş saňa Hudaýy-
myz Rebden hormat getirmez». 19 Uzyýa
gazaplandy; ol ýakymly ysly tütetgi
ýakylýan sypanyň ýanynda, Rebbiň öýün-
däki ruhanylaryň öňünde tütetgi ýakmak
üçin durdy. Ol ruhanylara gazaplananda,
onuň maňlaýynda deri keseli peýda bol-
dy. 20 Baş ruhany Azarýa bilen beýleki
ruhanylaryň hemmesi Uzyýa seredenle-
rinde, onuň maňlaýyndaky deri keselini
gördüler. Olar ony ol ýerden tiz çykardy-
lar. Uzyýanyň özi hem ol ýerden dessine
çykmak bilen boldy, çünki Reb ony şeýle
heläkläpdi. 21 Uzyýa patyşa tä ölýänçä,
deri keselinden ejir çekip, aýratyn ýerde
ýaşady, ol Rebbiň öýünden çetleşdirilip-
di. Patyşanyň ogly Ýotam ýurtdaky halka
baştutanlyk edip, köşgi dolandyrdy.
22 Uzyýanyň başdan-aýak eden işle-
riniň bary barada Amozyň ogly Işaýa
pygamber ýazdy. 23 Uzyýa ata-babalary-
na gowuşdy. Ony atalarynyň ýanynda
patyşalara degişli bolan mazarlykda jaý-
ladylar, çünki ol «deri keselli» diýdiler.
Ogly Ýotam onuň ýerine patyşa boldy.

## 27-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Ýotam*
*(2 Patyşalar 15:32-38)*

1 Ýotam patyşa bolanda ýigrimi bäş
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde on alty ýyl
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Ýeruşa Sa-
dogyň gyzydy. 2 Ýotam kakasy Uzyýa
ýaly Rebbiň nazarynda dogry işleri etdi;
emma ol Rebbiň ybadathanasyna girme-
di. Halk entek hem erbet işleri edýärdi.
3 Ýotam Rebbiň öýüniň demirgazyk der-
wezesini gurdy. Ofel diwarynyň üstünde
hem köp gurluşyk işlerini etdi. 4 Bulardan
daşary-da, Ýotam Ýahuda daglarynda
şäherler gurdy we tokaýlyklarda galalar
we diňler saldy. 5 Ýotam Ammon patyşa-
syna garşy urşup, olardan üstün çykdy.
Ammonlylar şol ýyl Ýotama ýüz ýetmiş
batman [a] kümüş, ýigrimi müň çuwal [b]

---

[a] **27:5** ***Ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3,4 tonna deňdir.
[b] **27:5** ***Ýigrimi müň çuwal*** – ýewreýçe *on müň kor*. Bu takm. 1500 tonna deňdir.

bugdaý we ýigrimi müň çuwal arpa ber-
diler. Ammonlylar oňa ikinji we üçünji
ýylda ýene şonça mukdarda berdiler.
6 Hudaýy Rebbine wepaly bolandygy
üçin Ýotam kuwwatlandy. 7 Ýotamyň
beýleki işleri, ähli alyp baran uruşlary
hem-de eden işleri Ysraýyl we Ýahuda
patyşalarynyň taryh kitabynda ýazylan-
dyr. 8 Ýotam patyşa bolanda ýigrimi bäş
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde on alty ýyl
patyşalyk etdi. 9 Ýotam ata-babalaryna
gowuşdy. Ol Dawut galasynda jaýlandy.
Ogly Ahaz onuň ýerine patyşa boldy.

## 28-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Ahaz*
*(2 Patyşalar 16:1-4)*

1 Ahaz patyşa bolanda ýigrimi ýa-
şyndady. Ol Iýerusalimde on alty ýyl
patyşalyk etdi. Ahaz atasy Dawut ýaly
bolmady, ol öz Hudaýy Rebbiň nazaryn-
da dogry işleri etmedi. 2 Ahaz Ysraýyl
patyşalarynyň ýoly bilen ýöredi. Ol hatda
Bagal hudaýy üçin guýma butlar ýasady.
3 Ahaz Benhinnom deresinde ýakymly
ysly tütetgi ýakyp, Rebbiň ysraýyllaryň
öňünden kowup çykaran milletleriniň
ýigrenji adaty boýunça öz ogullaryny
otdan geçirdi. 4 Ol seždegählerde, baýyr-
lyklarda we gür ýaprakly her bir agajyň
astynda gurbanlyk berip, ýakymly ysly
tütetgi tütedýärdi.

### *Siriýa bilen Ysraýyl Ýahuda hüjüm edýär*

5 Şonuň üçin hem Hudaýy Reb Ahazy
Siriýa patyşasynyň eline berdi. Siriýa
patyşasy Ahazdan üstün çykyp, onuň
köp sanly adamlaryny ýesir alyp, olary
Damaska getirdi. Ol Ysraýyl patyşasy-
nyň hem eline berildi. Ysraýyl patyşasy
Ahaza agyr zarba urdy. 6 Remalýanyň
ogly Peka Ýahudada bir ýüz ýigrimi müň
edermen esgeri bir günde öldürdi, çünki
olar ata-babalarynyň Hudaýy Rebbi terk
edipdiler. 7 Efraýymyň batyr ýigidi Zikri
patyşanyň ogly Magaseýany, patyşa köş-
güniň emeldary Azrykamy we patyşadan
soň ikinji adam bolan Elkanany öldürdi.
8 Ysraýyllar öz doganlaryndan iki ýüz
müň erkegi, aýallary, ogullardyr gyz-
lary ýesir aldylar, ysraýyllar şeýle hem
olardan köp olja alyp, oljalary Samariýa
getirdiler. 9 Emma Rebbiň bir pygamberi
bardy, onuň ady Odetdi. Odet Samariýa
gelen goşunyň ýanyna gelip, olara şeý-
le diýdi: «Ata-babalaryňyzyň Hudaýy
Reb Ýahuda gazaplanany üçin olary
siziň eliňize berdi. Emma siz göge ýeten
gazap bilen olary öldürdiňiz. 10 Indi siz
Ýahudanyň we Iýerusalimiň halklaryny:
aýaldyr-erkekleri gul-gyrnak hökmünde
özüňize tabyn etjek bolýarsyňyz. Eý-
sem Hudaýyňyz Rebbiň öňünde siziň
özüňiz ýazyksyzmy näme? 11 Indi maňa
gulak asyň-da, garyndaşlaryňyzdan
alan ýesirleriňizi yzyna iberiň, çünki
Rebbiň gahar-gazaby siziň üstüňizde-
dir». 12 Şeýle hem, efraýymlardan bolan
käbir baştutanlar: Ýehohananyň ogly
Azarýa, Meşillemotyň ogly Berekýa,
Şallumyň ogly Hizkiýa we Hadlaýyň
ogly Emasa dagy uruşdan gelýänleriň
garşysyna çykyp, olara: 13 «Ýesirleri bu
ýere getirmäň. Bu biziň günälerimizi
we ýazyklarymyzy artdyryp, Rebbe
garşy günä etdigimiz bolar. Biziň ýazy-
gymyz eýýäm juda çökderdir. Rebbiň
gazaby Ysraýyla garşy lowlaýandyr»
diýdiler. 14 Şeýdip, esgerler ýesirleri we
oljalary baştutanlaryň, bütin jemagatyň
ýanynda goýup gitdiler. 15 Onsoň ady
agzalanlar turup, ýesirleri aldylar-da,
olaryň arasyndaky ýalaňaçlaryna ol-
jalardan eşikler alyp geýdirdiler. Olara

eşik, çaryk geýdirip, iýmit we suw bilen
üpjün etdiler; ýaralaryna ýag guýdular;
ýarawsyzlaryny eşege mündürip, Ýeriho
Palma galasyndaky garyndaşlaryna geti-
rip, soň yzlaryna – Samariýa dolandylar.

### *Aşur Ýahuda kömek etmekden ýüz öwürýär*

16 Şol wagtlarda Ahaz patyşa kömek
sorap, Aşur patyşasynyň ýanyna adam
ýollady.
17 Edomlylar ýene-de çozup,
Ýahudadan üstün çykypdy, olary ýesir
edip äkidipdiler.
18 Piliştliler Ýahudanyň
günbatar baýyrlaryndaky we Negep
çölündäki şäherlerine hüjüm edip,
Beýtşemeşi, Aýalony, Gederoty, Soko-
ny ýanyndaky obalary bilen, Timnany
ýanyndaky obalary bilen, Gomzony
ýanyndaky obalary bilen basyp alyp, şol
ýerlerde mesgen tutupdylar.
19 Ysraýyl
patyşasy Ahaz zerarly Reb Ýahuda-
ny kiçeldipdi, çünki Ahaz Ýahudada
azgynlyk edip, Rebbe hyýanat edipdi.
20 Şeýdip, Aşur patyşasy Tiglatpileser
Ahazyň garşysyna çykyp, oňa ýardam
etmegiň deregine zulum etdi.
21 Ahaz
Rebbiň öýüni, patyşanyň köşgüni we
emeldarlaryň öýlerini talap, olardan
Aşur patyşasyna salgyt töledi; emma
bu Ahaza kömek etmedi.

### *Ahazyň günäleri*

22 Ahaz patyşa betbagtçylykly pursat-
larynda Rebbe hyýanatçylygyny has-da
artdyrdy.
23 Ahaz özüni ýeňlişe sezewar
eden Damask hudaýlaryna gurbanlyk
berip, şeýle diýdi: «Siriýa patyşalary-
nyň hudaýlarynyň olara ýardam edişleri
ýaly, maňa-da ýardam etmekleri üçin,
men olara gurbanlyk bererin». Emma
ol hudaýlar Ahazyň we tutuş Ysraýy-
lyň başyndan betbagtçylyk inderdi.
24 Ahaz Hudaýyň öýündäki enjamlary
toplap, olary döwüp bölek-bölek etdi.
Ol Rebbiň öýüniň gapylaryny gulpla-
dy. Ahaz Iýerusalimiň her künjeginde
özi üçin gurbanlyk sypalaryny ýasady.
25 Başga hudaýlara ýakymly ysly tütetgi
ýakmak üçin Ýahudanyň her şäherinde
seždegähler gurup, ata-babalarynyň Hu-
daýy Rebbiň gaharyny getirdi.
26 Ahazyň
başdan-aýak eden ähli işleri Ýahuda we
Ysraýyl patyşalarynyň taryh kitabynda
ýazylandyr.
27 Ahaz ata-babalaryna go-
wuşdy. Ol Iýerusalim şäherinde jaýlandy.
Emma Ahazy Ysraýyl patyşalarynyň
mazaryna getirmediler. Ogly Hizkiýa
onuň ýerine patyşa boldy.

## 29-njy bap

### *Ýahuda patyşasy Hizkiýa*
*(2 Patyşalar 18:1-3)*

1 Hizkiýa patyşa bolanda ýigrimi bäş
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde ýigrimi
dokuz ýyl patyşalyk etdi. Onuň ejesi
Abyýa Zakaryýanyň gyzydy.
2 Ol atasy
Dawut ýaly Rebbiň nazarynda dogry
işleri etdi.

### *Rebbiň öýi tämizlenýär*

3 Patyşalygynyň birinji ýylynyň birinji
aýynda, Hizkiýa Rebbiň öýüniň gapyla-
ryny açyp, ony bejerdi.
4 Ol ruhanylardyr
lewileri çagyryp, olary gündogar tarap-
daky meýdança toplady.
5 Hizkiýa olara:
«Eý, lewiler, maňa gulak asyň! Iniňizi
tämizläň we ata-babalaryňyzyň Hudaýy
Rebbiň öýüni mukaddes ediň! Bu mu-
kaddes ýerden haram zatlary çykaryp
zyňyň.
6 Çünki biziň ata-babalarymyz
Hudaýymyz Rebbe hyýanat edip, Onuň
nazarynda pis işleri etdiler; Rebbi terk
edip, Onuň mesgeninden ýüz dönderip,
ýeňselerini öwürdiler.
7 Olar eýwanyň ga-
pylaryny hem gulplap, çyralary öçürdiler.

Mukaddes ýerde Ysraýylyň Hudaýyna
ýakymly ysly tütetgi ýakmadylar, ýakma
gurbanlyk bermediler. 8 Şonuň üçin hem,
Ýahudanyň we Iýerusalimiň üstünden
Rebbiň gazaby indi. Öz gözüňiz bilen
görşüňiz ýaly, olary ile elhençlik, geň-
täsinlik we gülki etdi. 9 Şu sebäpli, biziň
atalarymyz gylyçdan öldüler, ogullary-
myzdyr gyzlarymyz we aýallarymyz
ýesirlikdedir. 10 Indi Ysraýyl Hudaýy
Rebbiň güýçli gazaby bizden sowlar ýaly,
men Onuň bilen äht edişmegi ýüregime
düwdüm. 11 Ogullarym, siz geleňsizlik
etmäň, çünki Reb sizi Öz huzurynda
durup hyzmat etmegiňiz üçin, Öz hyz-
matkärleri bolup, ýakymly ysly tütetgi
ýakmagyňyz üçin sizi saýlady».

12 Onsoň lewilerden, ine, şular ýerle-
rinden turdy: Kohadyň nesillerinden:
Omasaýyň ogly Mahat we Azarýanyň
ogly Ýowel; Merarynyň nesillerinden:
Abdynyň ogly Kiş, Ýehalleleliň ogly
Azarýa; Gerşonyň nesillerinden: Zim-
manyň ogly Ýowa, Ýowanyň ogly Eden;
13 Elisapanyň nesillerinden: Şimri we
Ýegiýel; Asafyň nesillerinden: Zakarýa
we Matanýa; 14 Heýmanyň nesillerinden:
Ýehiýel we Şimgi; Ýedutunyň nesil-
lerinden: Şemagýa we Uzyýel. 15 Olar
doganlaryny toplap, inlerini tämizläp,
Rebbiň sözüne görä patyşanyň tabşyryşy
ýaly, Rebbiň öýüni tämizlemek üçin ol
ýere girdiler. 16 Ruhanylar Rebbiň öýüni
tämizlemek üçin içine girip, ybadat-
hanadan tapan ähli murdar zatlaryny
Rebbiň öýüniň howlusyna çykardylar.
Lewiler hem olary alyp, Kidron deresine
äkitdiler. 17 Birinji aýyň birinji gününde
mukaddes etme işine başladylar, aýyň
sekizine Rebbiň eýwanyna ýetdiler.
Sekizinji gün olar Rebbiň öýüni mu-
kaddes etdiler we birinji aýyň on altysy
güni işi tamamladylar. 18 Onsoň olar
patyşa Hizkiýanyň ýanyna girip: «Biz
tutuş Rebbiň öýüni, ýakma gurbanlyk
sypasyny, ähli enjamlary we hödür
çörekleri goýulýan hantagtany, ähli
enjamlaryny doly tämizledik. 19 Ahaz
patyşanyň höküm sürýän döwründe
haýynlyk edip, aýryp taşlan ähli en-
jamlaryny taýynlap, mukaddes etdik.
Olar Rebbiň gurbanlyk sypasynyň
öňündedir» diýdiler.

20 Onsoň Hizkiýa irden turup, şäheriň
baştutanlaryny ýygnap, Rebbiň öýüne
gitdi. 21 Olar patyşalyk, mukaddes öý we
ýahuda halky üçin günä gurbanlygy hök-
münde ýedi öküz, ýedi goç, ýedi guzy
we ýedi teke getirdiler. Patyşa Harunyň
nesillerine – ruhanylara olary gurban-
lyk sypasynda Rebbe bermegi tabşyrdy.
22 Şeýdip, olar öküzleri öldürdiler; ruha-
nylar gany alyp, gurbanlyk sypasyna
serpdiler. Olar goçlary we guzulary
öldürip, olaryň ganyny hem gurbanlyk
sypasyna tarap serpdiler. 23 Günä gur-
banlygy üçin erkeçler patyşanyň we
halkyň ýanyna getirildi, olar erkeçleriň
üstüne ellerini goýdular. 24 Onsoň ruha-
nylar erkeçleri öldürip, olaryň ganyny
bütin ysraýyl halkyny günäden saplamak
üçin gurbanlyk sypasynyň üstüne günä
gurbanlygy hökmünde dökdüler. Çünki
patyşa bütin ysraýyl halky üçin ýakma
gurbanlygynyň we günä gurbanlygynyň
berilmegini tabşyrypdy.

25 Dawudyň, patyşanyň görgüri Gatyň
we Natan pygamberiň tabşyrygy boýun-
ça, patyşa lewileri kimwallar, arfalardyr
liralar bilen Rebbiň öýünde ýerleşdirdi.
Bu tabşyrygy Reb pygamberleriň üsti
bilen beripdi. 26 Lewiler Dawudyň saz
gurallary, ruhanylar hem surnaýlary
bilen durdular. 27 Onsoň Hizkiýa patyşa
gurbanlyk sypasynda ýakma gurbanlyk
bermegi tabşyrdy. Ýakma gurbanlyk

bermäge başlanlarynda, surnaýlar we
Ysraýyl patyşasy Dawudyň saz gurallary
bilen Rebbe alkyş aýtmaga başladylar.
28 Bütin halk ybadat edip, aýdymçylar
aýdym aýdyp, surnaýçylar surnaý çal-
dylar. Aýdym-saz tä ýakma gurbanlygy
tamamlanýança dowam etdi. 29 Ýakma
gurbanlygy tamamlananda, patyşa we
onuň ýanyndakylaryň bary ýüzleri-
ni ýere berip sežde etdiler. 30 Hizkiýa
patyşa we onuň baştutanlary lewilere
Dawudyň we Asaf görgüriň sözleri bilen
Rebbe alkyş aýtmagy tabşyrdylar. Olar
şatlyk bilen alkyş aýdyp, dyza çöküp
ybadat etdiler.

31 Onsoň Hizkiýa: «Indi siz özüňizi
Rebbe bagyş etdiňiz. Golaý geliň-de,
Rebbiň öýüne gurbanlyklar, şükür
gurbanlyklaryny getiriň» diýdi. Halk
gurbanlyklar we şükür gurbanlykla-
ryny getirdiler; göwnünden çykaran
her kes ýakma gurbanlyklaryny getirdi.
32 Halkyň getiren ýakma gurbanlykla-
rynyň sany ýetmiş öküz, ýüz goç we
iki ýüz guzudy. Bularyň bary Rebbe
ýakma gurbanlygyny bermek üçindi.
33 Mukaddes edilen mallaryň sany alty
ýüz öküz we üç müň goýundan ybarat-
dy. 34 Emma ruhanylar azdyklary üçin
ýakma gurbanlyklarynyň hemmesiniň
derisini soýup bilmediler. Iş gutaryp,
galan ruhanylar inlerini tämizleýänçäler,
doganlary lewiler ruhanylara ýardam
etdiler, lewiler inlerini tämizlemekde
ruhanylara garanda has sap ýüreklidiler.
35 Köp sanly ýakma gurbanlyklaryndan
daşary-da, salamatlyk gurbanlyklarynyň
ýagy we ýakma gurbanlyklary bilen
berilýän içgi sadakalary bardy. Şeýdip,
Rebbiň öýüniň hyzmaty dikeldildi. 36 Hu-
daýyň halk üçin eden işlerine Hizkiýa
we bütin halk şatlandylar, çünki bu iş
tiz tamamlanypdy.

## 30-njy bap

### *Hizkiýa Pesah baýramyny belleýär*

1 Hizkiýa Ysraýyl Hudaýy Rebbe Pe-
sah baýramyny bellemek üçin Rebbiň
Iýerusalimdäki öýüne gelsinler diýip,
bütin ysraýyl, ýahuda halklaryna habar
ýollap, efraýymlara we günbatardaky ma-
naşalara hem hatlar ýazdy. 2 Patyşa hem
onuň baştutanlary we bütin halk Pesah
baýramyny ikinji aýda bellemek barada
maslahat geçiripdiler. 3 Çünki ruhanyla-
ryň özlerini ýeterlik möçberde inlerini
tämizlemändigi we halkyň Iýerusalime
ýygnanmandygy sebäpli Pesahy bellenen
wagtda edip bilmediler. 4 Bu niýet paty-
şanyň we halkyň gözüne dogry göründi.
5 Şeýdip, halk Iýerusalime gelip, Ysraýyl
Hudaýy Reb üçin Pesah baýramyny bel-
lesinler diýip, Beýerşebadan Dana çenli
tutuş Ysraýylda yglan etmeli diýen karara
geldiler, sebäbi halkyň köp bölegi Pesah
baýramyny aýdylyşy ýaly ýerine ýetir-
mändiler. 6 Şeýdip, çaparlar patyşanyň we
onuň baştutanlarynyň hatlary bilen tutuş
Ysraýyla we Ýahuda aýlanyp, patyşanyň
tabşyrygy boýunça şeýle diýdiler: «Eý,
ysraýyllar! Ybraýymyň, Yshagyň we
Ysraýylyň Hudaýy Rebbe tarap öwrüliň!
Reb Aşur patyşasynyň elinden gutulyp,
aman galanlara tarap öwrüler! 7 Atalary-
ňyz we doganlaryňyz ýaly atalaryňyzyň
Hudaýy Rebbe biwepalyk etmäň. Görşü-
ňiz ýaly, Reb olary elhenç zada öwürdi.
8 Atalaryňyz ýaly boýnuýogyn bolmaň.
Rebbe tabyn boluň, Onuň ebedilik mu-
kaddes eden öýüne gelip, Hudaýyňyz
Rebbe hyzmat ediň. Onsoň Onuň gazaby
sizden sowlar. 9 Rebbe dolansaňyz, siziň
garyndaşlaryňyz we çagalaryňyz özleri-
ni ýesir alanlaryň alnynda rehim-şepagat
tapyp, öz mekanlaryna dolanyp gelerler.

Çünki Hudaýyňyz Reb merhemetlidir we
rehimdardyr. Rebbe dolansaňyz, Ol siz-
den ýüz öwürmez».

10 Şeýdip, çaparlar efraýym hem gün-
batardaky manaşa tireleriniň ýaşaýan
ýurtlarynyň üsti bilen Zebuluna çen-
li şäherme-şäher aýlandylar, ýöne
olar çaparlaryň üstünden gülüp, olary
masgaraladylar. 11 Diňe aşerlerden, günba-
tardaky manaşalardan we zebulunlardan
käbirleri özlerini kiçeldip, Iýerusalime
geldiler. 12 Rebbiň sözüne görä patyşanyň
we baştutanlaryň beren tabşyryklaryny
ýerine ýetirmekde, olara agzybirlik beren
Hudaýyň eli Ýahudanyň üstündedi.

13 Ikinji aýda Petir baýramyny bellemek
üçin Iýerusalime köp halk, uly märeke
ýygnandy. 14 Olar işe girişip, Iýerusalim-
däki gurbanlyk sypalary we ähli ýakymly
ysly tütetgi ýakylýan sypalary aýryp, Kid-
ron deresine taşladylar. 15 Olar ikinji aýyň
on dördüne Pesah janlysyny soýdular.
Ruhanylar we lewiler utanyp, inlerini tä-
mizläp, ýakma gurbanlyklaryny Rebbiň
öýüne getirdiler. 16 Olar Hudaýyň adamy
Musanyň kanuny boýunça, öz adaty ýerle-
rinde durdular. Ruhanylar lewilerden alan
gurbanlyk ganlaryny serpdiler. 17 Halkyň
arasynda inini tämizlemedik köp adam
bardy. Şonuň üçinem lewiler tämiz bol-
madyk her adam üçin Pesah janlysyny
soýup, gurbanlygy Rebbe bagyş etdiler.
18-19 Efraýym, manaşa, ysakar we zebulun
tirelerinden bolan köp adamlar özlerini
tämizlemezden, Pesah gurbanlygyndan
iýdiler. Olar iýip, düzgüni bozdular. Em-
ma Hizkiýa olar üçin dileg etdi. Hizkiýa:
«Eý, merhemetli Reb, mukaddes ýeriň
düzgünine görä tämiz bolmazdan ata-
babalarynyň Hudaýy Rebbi agtarmagy
ýüregine düwen her kesi bagyşla» diýdi.
20 Reb Hizkiýanyň dilegini eşidip, halky
bagyşlady. 21 Iýerusalimde bolan ysraýyl
halky uly şatlyk bilen ýedi günläp Petir
baýramyny belledi. Lewiler hem ruhany-
lar belent sesli saz gurallary bilen her gün
Rebbe öwgi aýtdylar. 22 Hizkiýa Rebbiň
hyzmatynda ussatlyk görkezen lewileri
ruhlandyrdy. Şeýdip, olar salamatlyk
gurbanlygyny berip, atalarynyň Hudaýy
Rebbe şükürler aýdyp, ýedi günläp baý-
ramçylyk iýmitlerini iýdiler.

23 Onsoň bütin halk ýene-de ýedi gün-
läp baýram etmegi karar etdi. Şeýdip,
olar ýene ýedi günläp şady-horramlykda
baýram etdiler. 24 Ýahuda patyşasy Hiz-
kiýa halka gurbanlyk üçin müň öküz,
ýedi müň goýun berdi, baştutanlar hem
halka müň öküz, on müň goýun berdiler.
Köp sanly ruhanylar inlerini tämizle-
diler. 25 Bütin ýahuda halky, ruhanylar,
lewiler we Ysraýyldan gelen tutuş halk,
Ysraýyldan gelen keseki halklar hem-de
Ýahudada mesgen tutan keseki halklar
şatlandylar. 26 Iýerusalimde uly şatlyk
boldy, çünki Ysraýyl patyşasy Dawu-
dyň ogly Süleýmanyň döwründen bäri
Iýerusalimde beýle baýram bolmandy.
27 Onsoň ruhanylardyr lewiler ýerlerin-
den turup, halka ak pata berdiler. Olaryň
sesleri eşidilip, dilegleri gökdäki Huda-
ýyň mukaddes mesgenine ýetdi.

## 31-nji bap

### *Ysraýyl halky butlary ýok edýär*

1 Pesah baýramy tamamlanandan soň,
ol ýerdäki bütin ysraýyl halky Ýahu-
da galalaryna gidip, dikme daşlary
kül-owram edip, Aşera butlaryny kes-
diler. Bütin ýahuda, benýamin, efraýym
we günbatardaky manaşa tireleriniň
ýaşaýan ýerlerinde bolan seždegähleri
we gurbanlyk sypalarynyň ählisini ýok
etdiler. Onsoň ysraýyl halkynyň hersi
öz galalaryna, öz mülklerine dolandy.

### *Halk sadakalaryny getirýärler*

2 Hizkiýa ruhanylardyr lewileriň her-
sini topar-topar edip, hyzmatyna görä
toparlara böldi. Ruhanylar hem lewiler
ýakma we salamatlyk gurbanlyklaryny
bermek we Rebbiň düşelgesiniň derwe-
zelerinde alkyş hem öwgi aýdyp hyzmat
etmekleri üçin bellendi. 3 Rebbiň kanu-
nynda ýazylyşy ýaly, Hizkiýa ýakma
gurbanlyklar üçin ertirlik we agşam-
lyk ýakma gurbanlyklaryny, Sabat güni
üçin, Täze Aý we beýleki baýramlar üçin
ýakma gurbanlyklary öz malyndan ber-
di. 4 Ruhanylar, lewiler özlerini Rebbiň
kanunyna bagyş eder ýaly, Hizkiýa Iýe-
rusalimiň ilatyna ruhanylara we lewilere
ondan bir bölegi bermeklerini buýurdy.
5 Patyşanyň buýrugy ýaýran badyna, ys-
raýyl halky dänäniň, şerabyň, ýagyň,
balyň we ekin meýdanynyň ähli önüm-
leriniň ilkinji miwelerinden bolluk bilen
berdiler; hemme zatdan ondan birini sa-
hylyk bilen berdiler. 6 Ýahuda galalarynda
ýaşaýan ysraýyl, ýahuda halklary hem
irili ownukly mallarynyň ondan birini,
Hudaýy Rebbe bagyş edilen mukaddes
zatlaryň ondan birini getirip üýşürdiler.
7 Üçünji aýda üýşmekleri ýerbe-ýer goý-
maga başlap, ýedinji aýda ony soňladylar.
8 Hizkiýa bilen baştutanlar gelip, üýşmek-
leri görüp, Rebbi we onuň halky Ysraýyly
alkyşladylar. 9 Hizkiýa ruhanylardan we
lewilerden getirilen zatlaryň üýşmekleri
barada sorady. 10 Sadogyň neslinden bo-
lan baş ruhany Azarýa şeýle jogap berdi:
«Rebbiň öýüne sadakalaryny getirip baş-
lanlaryndan bäri biziň iýmitimiz ýeterlik
boldy, hatda köp artyp hem galdy. Rebbiň
Öz halkyna bereket berendigi sebäpli,
bizde artyk galan zat köp».

11 Onsoň Hizkiýa olara Rebbiň öýünde
ammarlary taýýarlamagy tabşyrdy. Olar
hem ammarlary taýýarladylar. 12 Olar
sadakalaryny, ondan birlerini we bagyş
edilen zatlary wepalylyk bilen şol ýere
getirdiler. Bu zatlar lewilerden Konanýa-
nyň baştutanlygynda edildi. Konanýanyň
inisi Şimgi bolsa onuň kömekçisidi. 13 Ýe-
hiýel, Azazýa, Nahat, Asahel, Ýerimot,
Ýozabat, Eliýel, Ismakýa, Mahat we
Benaýa dagylar Hizkiýa patyşanyň we
Hudaýyň öýüniň esasy baştutany Azar-
ýanyň belländigi üçin Konanýa bilen
onuň inisi Şimginiň gözegçiligi astynda
işleýärdiler. 14 Gündogar derwezesiniň
sakçysy lewilerden Ýimnanyň ogly Kore
Rebbe berilýän meýletin sadakalaryň
üstünden garaýardy. Şeýle hem Rebbe
hödürlenen sadakalary we bagyş edilen
sadakalary paýlamak işini ýerine ýe-
tirýärdi. 15 Eden, Miniýamin, Ýeşuwa,
Şemagýa, Amarýa we Şekanyýa dagy
ruhanylaryň galasynda toparlaryna görä
ýaşdyr garry garyndaşlaryna paýlary
bölmekde Kore wepalylyk bilen ýardam
etdiler. 16 Rebbiň öýüne wezipelerine
hem bölümlerine görä gündelik hyz-
mat üçin gelen, nesillerine görä hasaba
alnan üç ýaşly we ondan ýokary bolan
erkekleriň hemmesine paý berdiler. 17 Ru-
hanylaryň hasaba alnyşy uruglaryna
görä geçirildi. Lewileriň ýigrimi we
ondan ýokary ýaşlylary wezipelerine
we bölümlerine görä bellendi. 18 Ruha-
nylar ýaş çagalary, aýallary, ogullary we
gyzlary, tutuş jemagat bilen hasaba alyn-
dylar, çünki olar inlerini tämizlemekde
wepaly bolupdylar. 19 Öz şäherleriniň
açyk meýdanlarynda ýaşaýan Harunyň
neslinden bolan ruhanylara ýokarda ady
agzalan adamlar her erkek ruhana we her
bir hasaba alnan lewä paý bermelidiler.

20 Hizkiýa bütin Ýahudada şeýle etdi.
Ol Hudaýy Rebbiň öňünde oňat, dogry
we hak iş etdi. 21 Hudaýyň öýüne hyzmat

etmekde eden her işinde, kanuny we
tabşyryklary saklamakda, Hizkiýa öz
Hudaýyny bütin kalby bilen agtardy. Şo-
nuň üçin-de, onuň edenleri rowaçlandy.

## 32-nji bap

***Aşur patyşasy Sanherip çozuş edýär***
*(2 Patyşalar 18:13-37; 19:14-19,35-37; Işaýa 36:1-22; 37:8-38)*

1 Hizkiýanyň eden wepaly işlerinden
soň, Aşur patyşasy Sanherip gelip, Ýa-
huda çozuş edip, galalaryň garşysynda
düşelge gurup, olary ele almagy ýüregine
düwdi. 2-3 Hizkiýa Sanheribiň gelip, Iýeru-
salime garşy uruş etmekçi bolýandygyny
görende, şäheriň daşyndaky çeşmeleriň
suwuny bentlemek barada öz baştutanla-
ry we batyr ýigitleri bilen maslahatlaşdy.
Olar Hizkiýa ýardam etdiler. 4 Köp halk
toplanyp: «Näme üçin Aşur patyşalary
gelip, bol suw tapmalymyşyn?» diýip,
ýurduň içinden akyp geçýän ähli çeşme-
dir akarlary bentlediler. 5 Şeýdip, Hizkiýa
kuwwatlanyp, diwaryň ähli ýykylan ýerle-
rini bejerip, onuň üstünde diňler galdyrdy.
Daşyndan ol ýene-de başga bir diwar
gurdy. Bulardan başga-da Hizkiýa Da-
wut galasyndaky Millony [a] berkidip, köp
mukdarda ýaraglardyr galkanlar ýasatdy.
6-7 Hizkiýa halkyň üstünden uruş serker-
delerini belläp, olary öz ýanyna, şäher
derwezesiniň meýdançasyna ýygnap,
şeýle diýdi: «Dözümli we mert boluň.
Aşur patyşasyndan gorkmaň, heder et-
mäň, çünki biziň bilen Bolýan onuň bilen
bolýandan has güýçlüdir. 8 Aşur patyşasy
ynsan güýji bilendir, emma biziň bilen
Hudaýymyz Rebdir. Ol bize ýardam edip,
biziň üçin söweşer». Ýahuda patyşasy
Hizkiýanyň sözleri halky ruhlandyrdy.

9 Mundan soň Aşur patyşasy San-
herip tutuş goşuny bilen Lakyşdaka,
nökerlerini Iýerusalimdäki Ýahuda pa-
tyşasy Hizkiýanyň we bütin ýahuda
halkynyň ýanyna iberdi. 10 Nökerler gelip,
Aşur patyşasy Sanherip şeýle diýýär:
«Siz näme üçin Iýerusalimde gabaw için-
de otyrsyňyz? Nämä bil baglaýarsyňyz?
11 Hizkiýa: „Hudaýymyz Reb bizi Aşur
patyşasynyň elinden halas eder“ diýip,
sizi açlykdan we suwsuzlykdan öldürjek
bolup aldaýar. 12 Ýahuda we Iýerusalime
ýüzlenip: „Siz diňe bir gurbanlyk sypa-
nyň öňünde sežde edip, şonuň üstünde
gurbanlyk ýakyň“ diýip, Rebbe bagyş
eden seždegähleri, gurbanlyk sypala-
ryny ýykan şu Hizkiýa dälmi näme?
13 Ähli ýurtlaryň halklaryna meniň we
ata-babalarymyň näme edenini bilme-
ýärsiňizmi? Şol ýurtlaryň milletleriniň
hudaýlary öz ýurtlaryny meniň elimden
halas edip bildilermi? 14 Hudaýyňyzyň
sizi meniň elimden halas edip biler ýaly,
ata-babalarymyň bütinleý ýok eden şol
milletleriniň ähli taňrylarynyň arasynda
haýsysy öz halkyny meniň elimden halas
edip bildi? 15 Indi siz özüňizi Hizkiýa
aldatmaň, oňa özüňizi şu ýol bilen azaş-
dyrmaga ýol bermäň we oňa ynanmaň.
Çünki hiç bir milletiň ýa-da patyşalygyň
taňrysy öz halkyny meniň we ata-baba-
larymyň elinden halas edip bilen däldir.
Siziň Hudaýyňyz-da sizi meniň elimden
halas edip bilmez!» diýdiler.
16 Sanheribiň nökerleri Beýik Hudaýa
we Onuň guly Hizkiýa garşy sözlerini
dowam etdirdiler. 17 Sanherip Ysraýyl
Hudaýy Rebbe dil ýetirip ýazan hatla-
rynda Rebbe garşy şeýle diýdi: «Beýleki
milletleriň taňrylarynyň öz halklaryny
meniň elimden halas etmeýişleri ýaly,

[a] **32:5** ***Millo*** – toprak bilen doldurylan jaýryk ýa-da boşluk ýer bolmagy ahmal. Sözlüge seret.

Hizkiýanyň Hudaýy hem Öz halkyny
meniň elimden halas etmez». [18] San-
heribiň nökerleri bu sözleri diwaryň
üstündäki Iýerusalim halkyny gorkuzyp,
howsala düşürip, şäheri basyp almak
üçin olara ýahuda dilinde gaty ses bilen
gygyryp aýtdylar. [19] Olar Iýerusalimde
mesgen tutýan Hudaýy hakda-da dünýä
halklarynyň ynsan eli bilen ýasalan hu-
daýlary hakda sözleýişleri ýaly sözlediler.
[20] Onsoň Hizkiýa patyşa bilen Amo-
zyň ogly Işaýa pygamber munuň üçin
dileg edip, Hudaýa perýat etdiler. [21] Reb
bir perişde ýollap, Aşur patyşasynyň
düşelgesinde ähli batyr ýigitleri, serker-
deleri we baştutanlary öldürdi. Şeýdip,
Sanherip biabraýlyk bilen öz ýurduna
dolanyp geldi. Ol öz hudaýynyň but-
hanasyna gelende, onuň özünden önen
ogullarynyň käbiri Sanheribi gylyç bi-
len öldürdiler. [22] Şeýdip, Reb Hizkiýany
hem Iýerusalim ilatyny Aşur patyşasy
Sanheribiň we ähli duşmanlarynyň elin-
den halas edip, olary dumly-duşdan
gorady. [23] Iýerusalime köp adamlar gelip,
Rebbe sadakalar, Ýahuda patyşasy Hiz-
kiýa gymmatbaha sowgatlar getirdiler.
Şondan soň, Hizkiýa ähli milletleriň
nazarynda beýgeldi.

### *Hizkiýa syrkawlaýar*

[24] Şol döwürlerde Hizkiýa syrkawlap,
ölüm ýassygynda ýatyrdy. Ol Rebbe
dileg etdi. Reb Hizkiýanyň dilegine
jogap berip, oňa bir alamat berdi. [25] Em-
ma Hizkiýa özüne edilen ýagşylygy
ödemedi, ol gopbamsylyk etdi. Şonuň
üçin hem Hizkiýanyň, Ýahudanyň we
Iýerusalimiň üstüne gazap indi. [26] On-
soň Hizkiýa gopbamsylygy üçin özüni
kiçeltdi. Iýerusalimiň ilaty-da şeýle etdi.
Şeýdip, Hizkiýanyň döwründe Rebbiň
gazaby olaryň üstüne inmedi.

### *Hizkiýanyň baýlygy*

[27] Hizkiýada ummasyz köp baýlyk bo-
lup, onuň şan-şöhraty beýgeldi. Ol özüne
kümüş, altyn, gymmatbaha daşlar, hoş-
boý ysly zatlar, galkanlar we her hili
gymmatbaha zatlar üçin hazynalar edin-
di. [28] Bugdaý, şerap we zeýtun ýagy üçin
ammarlar, mallar üçin ýataklar we sürüler
üçin agyllar ýasatdy. [29] Hizkiýa özi üçin
şäherler gurdurdy. Onuň juda köp ow-
nuk we iri mallary bardy, çünki Hudaý
Hizkiýa gaty köp mal-mülk beripdi. [30] Gi-
hon suwlarynyň ýokarky goluny baglap,
olary Dawut galasynyň günbatar tara-
pyna aşaklygyna sowan bu Hizkiýadyr.
Hizkiýanyň ähli işleri rowaçlandy. [31] Ine,
Babyl hökümdarlarynyň ýurtda bolan
alamat hakynda soramak üçin Hizkiýa-
nyň ýanyna iberen ilçileri gelende, Hudaý
Hizkiýany synap, onuň ýüreginde bolan
bar zady bilmek üçin ony ýeke galdyrdy.
[32] Hizkiýanyň beýleki işleri, eden oňat
işleri barada Amozyň ogly Işaýa pygam-
beriň pygamberliklerinde, Ýahuda hem
Ysraýyl patyşalarynyň taryh kitaplaryn-
da ýazylandyr. [33] Hizkiýa ata-babalaryna
gowuşdy. Ol Dawudyň nesilleriniň ma-
zarlarynyň ýokarsynda jaýlandy. Hizkiýa
aradan çykanda, bütin Ýahudanyň we
Iýerusalimiň ilaty oňa hormat goýdy. Ogly
Manaşa onuň ýerine patyşa boldy.

## 33-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Manaşa*
*(2 Patyşalar 21:1-9)*

[1] Manaşa patyşa bolanda on iki ýa-
şyndady. Ol Iýerusalimde elli bäş ýyl
patyşalyk etdi. [2] Rebbiň ysraýyllaryň
arasyndan kowup çykaran milletleriniň
eden nejis işleri ýaly Manaşa hem Reb-
biň nazarynda nejis işleri etdi [3] Manaşa

kakasy Hizkiýanyň ýykan seždegäh-
lerini täzeden dikeltdi. Ol Bagal buty
üçin gurbanlyk sypalaryny gurup, Aşera
butlaryny dikdi. Ol ähli asman jisimle-
rine sežde edip, şolara gulluk etdi. 4 Ol
Rebbiň: «Iýerusalimde maňa ybadat
ediler» diýen Rebbiň öýünde butlar üçin
gurbanlyk sypalaryny bina etdi. 5 Manaşa
Rebbiň öýüniň iki howlusynda ähli as-
man jisimleri üçin gurbanlyk sypalaryny
bina etdi. 6 Manaşa ogluny Benhinnom
deresinde otdan geçirdi, gözbagçylyk,
täleýe garamaklyk we jadygöýlik bilen
iş salyşdy. Ol palçylyk, porhanlar bilen
iş salyşdy. Ol Rebbiň gaharyny getirip,
Onuň nazarynda köp ýigrenji işleri etdi.
7 Manaşa ýasan oýma Aşera butuny Hu-
daýyň öýünde goýdy. Bu öý Hudaýyň
Dawuda we onuň ogly Süleýmana: «Ma-
ňa şu öýde we bütin Ysraýyl tirelerinden
seçip alan şäherim Iýerusalimde ybadat
ediler. 8 Eger olar Meniň ähli tabşyrykla-
rymy, gulum Musanyň üsti bilen özlerine
buýran ähli zatlarymy edip, kanunlary-
my, parzlarymy we hökümlerimi berjaý
etseler, Men mundan beýläk ysraýyl
halkyny atalaryna beren ýurdumdan da-
şary çykartmaryn» diýen öýüdi. 9 Manaşa
Ýahudanyň we Iýerusalimiň ilatyny şeýle
bir azdyrdy welin, olar Rebbiň ysraýyl
halkynyň öňünden kowup çykaran mil-
letlerinden hem has köp pis işleri etdiler.

### *Manaşa toba edýär*

10 Reb Manaşa we onuň halkyna söz-
ledi, emma olar Rebbe gulak asmadylar.
11 Şonuň üçin hem, Reb Aşur patyşasy-
nyň goşun serkerdelerini olaryň üstüne
getirdi. Serkerdeler Manaşany gandallap,
zynjyr bilen baglap, Babyla ýesir edip
alyp gitdiler. 12 Manaşa muşakgat içinde
öz Hudaýy Rebbe ýalbaryp, ata-baba-
larynyň Hudaýynyň öňünde özüni gaty
kiçeltdi. 13 Manaşa Hudaýa dileg etdi, Hu-
daý-da onuň dilegini kabul edip, nalyşyny
eşidip, ony ýene-de Iýerusalime, öz paty-
şalygyna getirdi. Onsoň Manaşa Rebbiň
hakyky Hudaýdygyny bildi.

14 Şondan soň, ol Gihonyň günbata-
rynda, deredäki Balyk derwezesindäki
girelgä çenli bolan Dawut galasynyň daş-
ky diwaryny gurdy. Manaşa diwary Ofeliň
daşyndan aýlap, has beýgeltdi. Ol şeýle
hem Ýahudanyň ähli galalarynda goşun
serkerdelerini goýdy. 15 Manaşa keseki taň-
rylary we öz goýan oýma butuny Rebbiň
öýünden aýyrdy, Rebbiň öýüniň dagyn-
daky we Iýerusalimdäki ähli gurbanlyk
sypalaryny ýumrup, olaryň hemmesini
şäheriň daşyna taşlady. 16 Manaşa Rebbiň
gurbanlyk sypasyny täzeden dikip, onda
salamatlyk we şükür gurbanlyklaryny
hödür etdi. Ol ýahuda halkyna Ysraýyl
Hudaýy Rebbe hyzmat etmekligi tabşyrdy.
17 Halk entegem seždegählerde gurbanlyk
hödür edýärdi, emma olar diňe öz Hudaýy
Rebbe gurbanlyk hödürleýärdiler.

18 Manaşanyň galan işleri we onuň
eden dilegleri şeýle hem Ysraýyl Hudaýy
Rebbiň adyndan sözlän görgüriň sözleri
barada Ysraýyl patyşalarynyň taryh ki-
tabynda ýazylandyr. 19 Manaşanyň dilegi
we onuň dilegi̇niň jogaby, onuň ähli gü-
näleri, biwepalygy barada görgürleriň
taryh kitabynda ýazylandyr. Şeýle-de bu
kitapda Manaşa özüni Hudaýyň öňün-
de peseltmezden öň guran seždegähleri,
Aşera we beýlekilere diken butlary bara-
da ýazylandyr. 20 Manaşa ata-babalaryna
gowuşdy. Ol öz köşgünde jaýlandy. Ogly
Amon onuň ýerine patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Amon*
*(2 Patyşalar 21:19-26)*

21 Amon patyşa bolanda ýigrimi iki
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde iki ýyl

patyşalyk etdi. 22 Amon kakasy Manaşa
ýaly, Rebbiň nazarynda ýigrenji işleri
etdi. Amon kakasy Manaşanyň ýasan äh-
li butlaryna gurbanlyk hödürläp, şolara
gulluk etdi. 23 Kakasy Manaşanyň özüni
Rebbiň öňünde peseldişi ýaly, Amon
özüni Rebbiň öňünde peseltmän, gaýtam
köpden-köp günä etdi. 24 Amonyň nöker-
leri oňa garşy dildüwşük gurap, ony öz
köşgünde öldürdiler. 25 Emma ýahuda
halky Amon patyşa garşy dildüwşük
guranlaryň baryny öldürip, onuň ýerine
ogly Ýoşyýany patyşa etdi.

## 34-nji bap

### *Ýahuda patyşasy Ýoşyýa*

*(2 Patyşalar 22:1-2)*

1 Ýoşyýa patyşa bolanda sekiz ýa-
şyndady. Ol Iýerusalimde otuz bir ýyl
patyşalyk etdi. 2 Ýoşyýa Rebbiň naza-
rynda dogry işleri etdi. Ol saga-sola
sowulman, atasy Dawudyň ýollaryn-
dan ýöredi.
3 Ýoşyýanyň patyşalygynyň sekizinji
ýylynda, ol entek ýaşka öz atasy Da-
wudyň Hudaýyny agtarmaga başlady.
Patyşalygynyň on ikinji ýylynda Ýoşyýa
Ýahuda bilen Iýerusalimi seždegählerden
we Aşera butlaryndan, oýma we guý-
ma butlaryndan arassalamaga başlady.
4 Ýoşyýanyň öňünde Bagal butlarynyň
gurbanlyk sypalaryny ýykdylar; ola-
ryň ýokarsynda bolan ýakymly ysly
tütetgi ýakylýan sypalary ýumurdy-
lar; Aşera butlaryny, oýma we guýma
butlaryny-da bölek-bölek edip, küle
öwrüp, ony şu butlara gurbanlyk be-
renleriň gabyrlaryna sepelediler. 5 Şeýle
hem, Ýoşyýa ruhanylaryň süňklerini öz
gurbanlyk berilýän sypalarynda ýakyp,
Ýahudany we Iýerusalimi arassalady.
6-7 Ýoşyýa Manaşa, Efraýym, Şimgon,
hatda Naftala çenli bolan şäherlerdäki,
olaryň töwereklerindäki harabalyklarda-
ky gurbanlyk sypalaryny ýykdy. Aşera
butlaryny we beýleki butlary döwüp kül
etdi, bütin Ysraýyldaky ýakymly ysly
tütetgi ýakylýan sypalary ýykdy. Soňra
ol Iýerusalime dolanyp geldi.

### *Töwrat tapylýar*

*(2 Patyşalar 22:1-20)*

8 Patyşalygynyň on sekizinji ýylynda
ýurdy we öýi arassalanlaryndan soň,
Ýoşyýa patyşa Asalýanyň ogly Şapany,
şäher häkimi Magaseýany we Ýowaha-
zyň ogly baş emeldar Ýowany özleriniň
Hudaýy Rebbiň öýüni bejermäge iberdi.
9 Olar baş ruhany Hilkiýanyň ýanyna
gelip, Hudaýyň öýüne getirilen kümüş-
leri oňa berdiler. Derwezeban lewiler
bu kümüşleri günbatardaky manaşa
we efraýym halklaryndan, galan ähli
ysraýyl halkyndan, bütin ýahudadan
we benýaminden, Iýerusalim ilatyndan
ýygnapdy. 10 Olar kümşi Rebbiň öýüni
dikeltmek işine bellenen gözegçileriň we
Rebbiň öýüni bejerýän işçilere berdiler.
11 Olar kümşi ýonulan daşlar, agaçlar we
Ýahuda patyşalarynyň haraba eden jaýla-
ry üçin pürsler satyn almak üçin agaç we
daş ussalaryna berdiler. 12-13 Bu adamlar
işi çyn ýürekden ýerine ýetirýärdiler.
Meraryň neslinden bolan lewi Ýahat
bilen Abadýa, Kohadyň neslinden bolan
Zakarýa we Meşullam dagylar bularyň
üstünden baştutanlyga bellenipdiler.
Saz gurallaryna ökde bolan beýleki
ähli lewiler ýük daşaýanlara we dürli
hyzmatda işleýänlere baştutanlyk etdiler.
Mürzeler, gözegçiler we derwezebanlar
hem lewilerdendi.
14 Rebbiň öýüne getirilen kümşi çyka-
ryp ýörkäler, ruhany Hilkiýa Musanyň
üsti bilen berlen Töwrady tapdy. 15 Baş

ruhany Hilkiýa Şapan mürzä: «Men
Rebbiň öýünde Töwrady tapdym» diýdi.
Hilkiýa kitaby Şapana berdi. 16-17 Onsoň
Şapan mürze patyşanyň ýanyna gelip,
oňa kitaby berdi we oňa: «Gullaryň
özlerine tabşyrylan bar işi edip ýörler.
Olar Rebbiň öýündäki bar kümşi alyp,
ony öý işine bellenen baştutanlaryň we
işçileriň eline beripdirler» diýip, bar
zady patyşa habar berdi. 18 Şapan mürze
patyşa: «Hilkiýa ruhany maňa bir kitap
berdi» diýdi. Onsoň Şapan kitaby alyp,
patyşa sesli okap berdi.

19 Patyşa Töwradyň sözlerini eşidende,
ýakasyny ýyrtdy. 20 Onsoň patyşa Hil-
kiýa ruhana, Şapanyň ogly Ahykama,
Mikaýanyň ogly Abdona, Şapan mürzä
we patyşanyň hyzmatkäri Asaýa şeýle
tabşyryk berdi: 21 «Baryň-da, meniň üçin
Ysraýylda hem Ýahudada galanlar üçin
bu tapylan kitapdaky aýdylýan sözler
barada Rebden soraň, çünki Rebbiň bize
garşy lowlaýan gazaby gaty güýçlüdir.
Biziň atalarymyz bu kitapda ýazylan
ähli sözlere görä Rebbiň sözüni berjaý
etmediler».

22 Şeýdip, Hilkiýa ruhany we patyşa-
nyň onuň bilen iberen adamlary Hulda
atly aýal pygamberiň ýanyna gelip, oňa
bu barada gürrüň berdiler. Hulda eşik
sakçysy Hasranyň agtygy, Tokadyň ogly
Şallumyň aýalydy, ol Iýerusalimiň täze
bölüminde ýaşaýardy. 23 Hulda olara:
«Ysraýyl Hudaýy Reb sizi meniň ýany-
ma iberen adama şeýle diýýär: 24 „Men
Ýahuda patyşasynyň öňünde okalan bu
kitapda ýazylan ähli lagnatlara görä,
hökman bu ýeriň we bu ýerde ýaşaýan-
laryň başyndan betbagtçylyk indererin.
25 Olaryň Meni terk edip, başga hudaýlara
ýakymly ysly tütetgi ýakyp, öz pis işleri
bilen Meniň gaharymy getirendikle-
ri üçin, Meniň bulara garşy gaharym
tutaşar, ol hiç haçan sönmez“. 26 Emma
Ysraýyl Hudaýy Reb Özünden soramak
üçin şu ýere ýollan Ýahuda patyşasyna
onuň eşiden sözleri barada şeýle diý-
ýär: 27 „Meniň bu ýere we onuň ilatyna
garşy aýdan sözlerimi eşideniňden soň,
seniň ýüregiň ýumşady. Özüňi Huda-
ýyň öňünde kiçeltdiň, ýakaňy ýyrtyp,
huzurymda dady-perýat etdiň. Şonuň
üçin hem Men seniň dilegiňi eşitdim.
Muny Men – Reb aýdýandyryn. 28 Men
seni atalaryň ýanyna ýygnaryn, sen-de
asudalyk bilen öz gabryňa girersiň. Me-
niň bu ýere getirjek betbagtçylygymy
sen görmersiň“». Olar bu habary patyşa
ýetirdiler.

### *Ýoşyýa äht edýär*
*(2 Patyşalar 23:1-20)*

29 Onsoň Ýoşyýa patyşa adam iberip,
Ýahudanyň we Iýerusalimiň ýaşulu-
larynyň baryny öz ýanyna ýygnady.
30 Ýoşyýa patyşa, tutuş ýahuda halky,
Iýerusalimiň bar ilaty, ruhanylar, lewiler,
uludan-kiçä ähli halk bilen bile Rebbiň
öýüne gitdiler. Patyşa Rebbiň öýünden
tapylan Äht kitabyndaky sözleri olara
sesli okap berdi. 31 Ýoşyýa patyşa öz
ýerinde durup, Rebbiň tabşyryklaryny,
permanlaryny, parzlaryny bütin kalby
bilen, bütin jany-teni bilen berjaý edip,
Rebbiň yzyna eýerjekdigine hem-de
şu kitapda ýazylan äht barada aýdylan
sözleri berjaý etjekdigi hakda Reb-
biň huzurynda Onuň bilen äht edişdi.
32 Ýoşyýa Iýerusalimde we Benýaminde
bolanlaryň baryna bu ähti saklajakdyk-
lary barada kasam etdirdi. Iýerusalimiň
ilaty Hudaýyň, atalarynyň Hudaýynyň
ähtine görä hereket etdiler. 33 Ýoşyýa
Ysraýyl topragyndaky ysraýyllara de-
gişli bolan ýigrenji zatlaryň baryny ýok
edip, Ysraýylda bolanlaryň hemmesine

özleriniň Hudaýy Rebbe ybadat etmekli-
gi buýurdy. Ýoşyýanyň ýaşan döwründe
olar atalarynyň Hudaýy Rebbiň ýoluna
eýermekden dönmediler.

## 35-nji bap

***Ýoşyýa Pesah baýramyny belleýär***
*(2 Patyşalar 23:21-23)*

1 Ýoşyýa Iýerusalimde Reb üçin Pesah
baýramyny tutdy. Birinji aýyň on dör-
düne Pesah janlysyny soýmagy karar
etdi. 2 Ol ruhanylary öz wezipelerinde
goýup, Rebbiň öýüniň hyzmatynda olary
ruhlandyrdy. 3 Ýoşyýa Reb üçin bagyş
edilip, bütin ysraýyl halkyna tälim beren
lewilere şeýle diýdi: «Mukaddes sandygy
Ysraýyl patyşasy Dawudyň ogly Süleý-
manyň guran öýünde goýuň. Mundan
beýläk ony gerşiňizde götermekligiň ge-
regi ýokdur. Indi Hudaýyňyz Rebbe we
Onuň halky Ysraýyla hyzmat ediň. 4 Ys-
raýyl patyşasy Dawudyň we onuň ogly
Süleýmanyň ýazgylarynda görkezilişi
ýaly, uruglaryňyza, bölümleriňize görä
taýýarlanyň. 5 Kowumdaşlaryňyz bolan
halkyň uruglaryna we lewileriň urugla-
ryna görä mukaddes ýerde topar-topar
bolup duruň. 6 Pesah janlysyny soýuň;
iniňizi tämizläp, Rebbiň Musanyň üsti
bilen beren sözüni amal eder ýaly, do-
ganlaryňyz üçin taýýarlyk görüň».

7 Ýoşyýa Pesah gurbanlygy üçin şol
ýerdäki halkyň ählisine otuz müň ow-
lak-guzy hem-de üç müň öküz berdi.
Bularyň ählisi onuň öz mallaryndandy.
8 Patyşanyň baştutanlary hem halka, ru-
hanylara we lewilere meýletin sadakalar
berdiler. Hudaýyň öýüniň baştutanlary
bolan Hilkiýa, Zakarýa we Ýehiýel dagy
ruhanylara Pesah gurbanlyklary üçin
iki müň alty ýüz owlakdyr guzy we üç
ýüz öküz berdiler. 9 Lewileriň baştutany
bolan Konanýa hem onuň doganlary
Şemagýa, Netanel, Haşabýa, Ýegiýel
we Ýozabat dagy lewilere Pesah gur-
banlygy üçin bäş müň owlakdyr guzy
we bäş ýüz öküz berdiler.

10 Hyzmat işi ýerine ýetirilip bolansoň,
patyşanyň tabşyrygy boýunça ruha-
nylar öz ýerlerinde we lewiler hem öz
bölümlerinde durdular. 11 Olar Pesah
janlysyny soýdular, ruhanylar-da özleri-
ne berlen gany serpdiler; lewiler bolsa
janlylaryň derilerini soýdular. 12 Onsoň
ýakma gurbanlyklary halkyň urugla-
ryna görä paýlamak üçin bir gapdalda
goýdular, Musanyň kitabynda ýazylyşy
ýaly, halk Rebbe ýakma gurbanlykla-
ry hödürlediler Olar öküzler bilen-de
şeýle etdiler. 13 Olar Pesah janlysyny
düzgün boýunça otda kebap etdiler.
Mukaddes sadakalary-da gazanlarda,
pitilerde we tabalarda bişirip, dessine
bütin halka paýladylar. 14 Mundan soň,
lewiler özleri we ruhanylar üçin taýýar-
lyk gördüler, çünki Harunyň neslinden
bolan ruhanylar agşama çenli ýakma
gurbanlyklaryny we ýaglary hödür-
lemek bilen meşgul boldular. Şeýdip,
lewiler özleri we Harunyň neslinden
bolan ruhanylar üçin taýýarlyk gördüler.
15 Asafyň nesillerinden bolan aýdymçy-
lar Dawudyň, Heýmanyň we patyşanyň
görgüri Ýedutunyň tabşyrygyna gö-
rä öz ýerlerindediler. Her derwezede
derwezebanlar bardy. Garyndaşlary
lewileriň olar üçin taýýarlyk görendik-
leri üçin, olara hyzmatlaryndan gitmek
gerek däldi.

16 Ýoşyýa patyşanyň tabşyrygyna görä
Pesah baýramyny bellemek we Rebbiň
gurbanlyk sypasynda ýakma gurbanlyk-
lary hödürlemek üçin, şol gün Rebbiň bar
hyzmatyna şeýle taýýarlyk görüldi. 17 Ol
ýerde bolan ysraýyl halky şol wagt Pesah

baýramyny we Petir baýramyny ýedi
günläp belledi. 18 Şamuwel pygamberiň
döwründen bäri beýle Pesah baýramy
geçirilmändi. Ýoşyýanyň, ruhanylaryň,
lewileriň, bu ýerde bolan ähli ýahuda we
ysraýyl halklarynyň, we Iýerusalimiň
ilatynyň geçiren bu Pesah baýramy ýa-
ly Pesahy Ysraýylyň patyşalarynyň hiç
biri-de geçirmändi. 19 Bu Pesah baýramy
Ýoşyýa patyşanyň patyşalygynyň on
sekizinji ýylynda bellendi.

### *Ýoşyýanyň ölümi*
*(2 Patyşalar 23:28-30)*

20 Ýoşyýa patyşa öýüň dikeldiş işlerini
tamamlandan soň, Müsür patyşasy Ne-
ko söweşmek üçin Ýewfrat derýasynyň
boýundaky Karkemişe gitdi. Ýoşyýa
hem Müsür patyşasyny garşylamaga
gitdi. 21 Emma Müsür patyşasy Ýoşyýa
çaparlar ýollap: «Eý, Ýahuda patyşa-
sy, seniň bilen meniň näme işim bar!?
Bu gün men seniň garşyňa uruşmaga
gelemok-da, özüm bilen uruşda bolan
ýurduň garşysyna uruşmaga gelýärin.
Hudaý maňa howlukmagy buýurdy.
Hudaý meniň tarapymdadyr, sen Oňa
garşy çykmagyňy bes et, ýogsam Ol
seni heläklär» diýdi. 22 Emma Ýoşyýa
ondan el çekmän, gaýtam onuň garşy-
syna uruşmak üçin tanalmaz ýaly eşige
girdi. Ýoşyýa Nekonyň Hudaý tarapyn-
dan aýdan sözlerine gulak asman, onuň
bilen uruşmak üçin Megido düzlügine
çykdy. 23 Ýaýçylar Ýoşyýa patyşa tarap
ok atdylar. Patyşa öz nökerlerine: «Meni
bu ýerden äkidiň, men agyr ýaralandym»
diýdi. 24 Şeýdip, Ýoşyýa patyşanyň nöker-
leri ony söweş arabasyndan alyp, özüniň
ikinji bir söweş arabasyna mündürip,
Iýerusalime getirdiler. Ýoşyýa Iýeru-
salimde dünýäden ötüp, atalarynyň
gonamçylygynda jaýlanyldy. Bütin ýa-
huda we Iýerusalim halky Ýoşyýa üçin
ýas tutdular. 25 Ýermeýa Ýoşyýa üçin
agy aýdymyny düzdi. Erkekdir aýal
aýdymçylar öz agy aýdymlarynda şu
güne çenli hem Ýoşyýa barada gürrüň
edip, olary Ysraýylda adata öwürdiler.
Olar agy kitabynda ýazylandyr. 26-27 Ýo-
şyýanyň galan işleri, Rebbiň kanunynda
ýazylanlara görä eden oňat işleri, onuň
başdan-aýak alyp baran işleri Ysraýyl
hem Ýahuda patyşalarynyň taryh kita-
bynda ýazylandyr.

## 36-njy bap

### *Ýahuda patyşasy Ýehogahaz*
*(2 Patyşalar 23:30-35)*

1 Ýurduň halky Ýoşyýanyň ogly Ýeho-
gahazy alyp, kakasynyň ýerine patyşa
etdi. 2 Ýehogahaz patyşa bolanda ýigri-
mi üç ýaşyndady. Ol Iýerusalimde üç
aý patyşalyk etdi. 3-4 Müsür patyşasy
Neko Iýerusalimde Ýehogahazy tagt-
dan agdaryp, ýurda bir ýüz ýetmiş
batman kümüş [a], bir ýarym batmana
golaý hem altyn [b] salgyt saldy. Ol Ýe-
hogahazyň dogany Elýakymy onuň
ýerine Ýahuda we Iýerusalime patyşa
edip, onuň adyny Ýehoýakym diýip
üýtgetdi. Onsoň Neko patyşa Ýeho-
gahazy alyp, Müsüre geldi.

### *Ýahuda patyşasy Ýehoýakym*
*(2 Patyşalar 23:36–24:7)*

5 Ýehoýakym patyşa bolanda ýigrimi
bäş ýaşyndady. Ol Iýerusalime on bir
ýyl patyşalyk etdi. Ol Hudaýy Rebbiň

[a] **36:3 *Bir ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3400 kg deňdir.
[b] **36:3 *Bir ýarym batmana golaý*** – ýewreýçe *bir kikkar*. Bu takm. 34 kg deňdir.

nazarynda ýigrenji işleri etdi. 6 Babyl
patyşasy Nebukadnesar Ýehoýakymyň
üstüne çozup, ony Babyla äkitmek üçin
zynjyr bilen daňdy. 7 Nebukadnesar Reb-
biň öýündäki gap-gaçlary hem Babyla
äkidip, olary özüniň Babyldaky köşgün-
de goýdy. 8 Ýehoýakymyň galan işleri,
onuň eden ýigrenji işleri we gabahat-
lyklary barada Ysraýyl hem Ýahuda
patyşalarynyň taryh kitabynda ýazy-
landyr. Onuň ýerine ogly Ýehoýakyn
patyşa boldy.

### *Ýahuda patyşasy Ýehoýakyn*

*(2 Patyşalar 24:8-17)*

9 Ýehoýakyn patyşa bolanda sekiz
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde üç aý, on
gün patyşalyk etdi. Ýehoýakyn Rebbiň
nazarynda ýigrenji işleri etdi. 10 Bahar-
da patyşa Nebukadnesar adam iberip,
Ýehoýakyny Rebbiň öýüniň gymmat-
baha gap-gaçlary bilen birlikde Babyla
getirdip, onuň dogany Sidkiýany Ýahuda
we Iýerusalime patyşa etdi.

### *Ýahuda patyşasy Sidkiýa*

*(2 Patyşalar 24:18-20;
Ýermeýa 52:1-3)*

11 Sidkiýa patyşa bolanda ýigrimi bir
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde on bir ýyl
patyşalyk etdi. 12 Sidkiýa Rebbiň na-
zarynda ýigrenji işleri etdi. Ol Rebbiň
adyndan geplän Ýermeýa pygamberiň
öňünde özüni kiçeltmedi.

### *Iýerusalimiň synmagy*

*(2 Patyşalar 25:1-21; Ýermeýa 52:3-11)*

13 Şeýle hem Sidkiýa özüne Hudaýdan
ant içiren Babyl patyşasy Nebukadne-
sara garşy gozgalaň turuzdy. Sidkiýa
Ysraýyl Hudaýy Rebbe tarap öwrülmejek
bolup, boýnuýogynlyk etdi, ýüregini
gatatdy. 14 Ähli ruhany baştutanlary
bilen halk birlikde milletleriň ähli
ýigrenji işlerine eýerdiler, biwepalyk
çakdanaşa artdy. Olar Rebbiň Iýeru-
salimde mukaddes eden öýüni murdar
etdiler. 15 Atalarynyň Hudaýy Reb olara
pygamberleriň üsti bilen yzygiderli
duýduryş berdi, çünki Onuň Öz halky-
na we mesgenine rehimi indi. 16 Emma
olar Hudaýyň çaparlaryny masgaralap,
Hudaýyň sözlerini äsgermezlik etdiler,
Onuň pygamberlerini kemsitdiler. On-
soň Rebbiň Öz halkyna garşy gazaby
şeýle bir lowlady welin, ondan gutular
ýaly bolmady.

17 Onsoň Reb Iýerusalimiň garşysyna
Babyl patyşasyny çozdurdy. Babyllylar
mukaddes öýünde ýaşlaryny gylyçdan
geçirdiler; ýigitlerdir gyzlara, gojalardyr
saçy agaranlara olar rehim etmediler.
Reb olaryň baryny Babyl patyşasynyň
eline berdi. 18 Nebukadnesar Hudaýyň
öýündäki ähli ululy-kiçili gap-gaçlary,
Rebbiň öýündäki hazynalary, patyşanyň
we onuň emeldarlarynyň hazynala-
ryny Babyla alyp gitdi. 19 Babyllylar
Hudaýyň öýüni ýakyp, Iýerusalimiň
diwaryny ýykyp, ondaky ähli köşkle-
re ot berip, ähli gymmatbaha zatlary
ýok etdiler. 20 Babyl patyşasy gylyç-
dan aman galanlary Babyla ýesir edip
äkitdi. Ýesir edilip äkidilenler Pars
patyşalygy häkimiýet başyna geçýänçä,
Babyl patyşasyna we onuň ogullaryna
gul boldular.

21 Şeýdip, Rebbiň Ýermeýanyň üsti
bilen aýdan sözi amala aşdy. Ýurt weý-
rançylykda bolan günleriniň dowamynda
doly ýetmiş ýyllap dynçlykda boldy.

### *Kureş patyşanyň permany*

*(Ezra 1:1-4)*

22 Pars patyşasy Kureşiň patyşalygy-
nyň birinji ýylynda Rebbiň Ýermeýanyň

üsti bilen aýdan sözi amala aşar ýaly, Reb
Kureş patyşanyň ulanýan ýazuwynda
perman çykaryp, ony tutuş patyşaly-
gyna çapar üsti bilen jar etmegi onuň
kalbyna saldy. 23 Pars patyşasy Kureş
şeýle diýýär: «Gögüň Hudaýy Reb ýer
ýüzündäki ähli patyşalyklary maňa berdi
we Ýahudanyň Iýerusalim şäherinde
Özüne ybadathana gurmagy maňa emr
etdi. Araňyzda Hudaýyň halkyndan bo-
lanyňyz bar bolsa, ýurduňyza dolanyň.
Hudaýyňyz Reb size ýar bolsun!»

# Ezra

## Giriş

Bu kitapda Babyl sürgünliginden boşan ysraýyllar bilen birlikde Ezra mürzäniň hem Iýerusalim şäherine dolanyp gelşi beýan edilýär. Şol döwürde Reb ýahudylaryň Iýerusalime, Ýahuda dolanyp, ybadathanany dikeltmäge rugsat bermegi Pars patyşasy Kureşiň kalbyna salýar. Bu ybadathanany Süleýman pygamber bina edipdi. Emma Nebukadnesar patyşanyň döwründe babyllylar ony ýer bilen ýegsan edipdiler.

Pars patyşasy Kureş her milletiň öz hudaýynyň bardygyna, şol hudaýyň öz halkynyň watanynda ýaşaýandygyna ynanýardy. Şonuň üçin-de, ol ysraýyllaryň Hudaýy Iýerusalimde ýaşaýar diýip pikir edýärdi. Ezra b. e. öň 458-nji ýylda, ýagny Artakserksiň şalygynyň ýedinji ýylynda Iýerusalime dolanýar. Bu waka Nehemýa pygamberiň Iýerusalime dolanmagyndan öň bolup geçýär. Nehemýa Iýerusalime b. e. öň 444-nji ýylda dolanyp, onuň weýran edilen diwarlaryny dikeltmekde halka ýolbaşçylyk edýär. Şeýle-de ol öz kitabynda Ezranyň halka Töwrady okap berşini gürrüň berýär. (Nehemýa 8-nji bap).

*Ezra* we *Nehemýa* kitaplarynyň käbir parçalary ýewreý dilinde däl-de, arameý dilinde ýazylandyr. Arameý dili Babyl we Pars şalyklarynyň halkara dili bolup, ol Isa Mesih dogulmazyndan öň we soň Ysraýylyň esasy gepleşik dili boldy. Hatlar esasan hem arameý dilinde ýazylýardy. Ýewreý dili bolsa ybadathanada ulanylýardy. Mukaddes Ýazgylar hem ýewreýçe ýazylandy. Şonuň üçin-de, mürzeler ýewreý dilini we Töwrady oňat bilýän adamlar bolmalydylar.

Şeýle-de *Ýyl ýazgylary* kitaplaryna seret.

### *Mazmuny*


Ysraýyllar sürgünlikden gaýdyp gelýärler ...................................... *1:1–2:70*

Ybadathana dikeldilýär we Hudaýa bagyş edilýär.......................... *3:1–6:22*

Ezra Iýerusalime gelýär................................................................. *7:1–10:44*

## 1-nji bap

### *Kureş patyşa ýahudalara ýurduna dolanmaga rugsat berýär*

1 Pars patyşasy Kureşiň patyşalygynyň
birinji ýylynda Ýermeýa arkaly aýan
edilen Rebbiň sözüniň [a] amala aşmagy
üçin, Reb Kureş patyşanyň şeýle per-
man çykaryp, ony tutuş patyşalygyna
jar etmegi onuň kalbyna saldy:

2 «Pars patyşasy Kureş şeýle diýýär:
„Gögüň Hudaýy Reb ýer ýüzündäki
ähli patyşalyklary maňa berdi we Ýa-
hudanyň Iýerusalim şäherinde Özüne
ybadathana gurmagy maňa emr etdi.
3 Araňyzda Hudaýyň halkyndan bo-
lanyňyz bar bolsa, goý, Hudaýy onuň
bilen bolsun. Olar Ýahudanyň Iýerusa-
lim şäherine gitsin-de, Ysraýyl Hudaýy
Rebbe – Iýerusalimdäki Hudaýa ybadat-
hana gursun. 4 Kim nirede galan bolsa,
şol ýeriň ilaty olara Iýerusalimdäki
Hudaýyň öýi üçin berjek meýletin sada-
kalaryndan daşary altyn, kümüş, emläk
we mal-gara bilen ýardam etsin“».

5 Şondan soňra Hudaý tarapyndan kalby
oýarylan her kes – ýahuda we benýa-
min tireleriniň urugbaşylary hem-de
ruhanylardyr lewileri baryp, Rebbiň
Iýerusalimdäki ybadathanasyny bina et-
mek üçin, ýol şaýlaryny tutup ugradylar.
6 Olaryň töweregindäki ýerli ilat bolsa
altyn, kümüş gaplar, emläk, mal-garalar,
gymmatbaha zatlar we ýene-de ybadat-
hana üçin meýletin sadakalar hem berip,
olara ýardam etdi. 7 Kureş patyşanyň
özi Nebukadnesaryň Iýerusalimdäki
Rebbiň ybadathanasyndan äkidip, öz
hudaýlarynyň buthanasynda goýan gap-
-gaçlaryny çykaryp getirdi. 8-10 Kureş
patyşa bu zatlary hazynaçy Mitredata
çykartdy we ol ähli gap-gaçlary sanap,
olary Ýahudanyň häkimi Şeşbasara gow-
şurdy. Ol zatlar şulardan ybaratdy: otuz
altyn okara, müň kümüş okara, ýigrimi
dokuz kümüş jam, otuz altyn şakäse,
dört ýüz on başga hili kümüş şakäse
we müň beýleki gap-gaçlar. 11 Altyndyr
kümüşden ýasalan gap-gaçlaryň ähli-
siniň jemi bäş müň dört ýüzdi. Sürgün
edilenler Babyldan Iýerusalime gaýdyp
gelenlerinde, Şeşbasar bu gap-gaçlaryň
hemmesini öz ýany bilen getirdi.

## 2-nji bap

### *Sürgünden gaýdyp gelenler*

1 Babyl patyşasy Nebukadnesar tara-
pyndan ýesir alnyp, Babyla sürgün edilen
ýahudy nesilleri Iýerusalime we Ýahuda-
daky öz galalaryna gaýdyp geldiler. 2 Olar
Zerubabyl, Ýeşuwa, Nehemýa; Seraýa,
Regelaýa, Mordekaý, Bilşan, Mispar,
Bigwaý, Rehum we Bagana dagynyň
ýolbaşçylygynda geldiler.
Ýesirlikden gaýdyp gelen Ysraýyl
halkynyň erkek adamlarynyň sanawy
şulardyr:

3 Paroş nesilleri iki müň bir ýüz ýetmiş
iki adam; 4 Şepatýan nesilleri üç ýüz ýet-
miş iki adam; 5 Aran nesilleri ýedi ýüz
ýetmiş bäş adam; 6 Pahatmowap nesilleri,
ýagny Ýeşuwa we Ýowap nesilleri iki müň
sekiz ýüz on iki adam; 7 Eýlam nesilleri
bir müň iki ýüz elli dört adam; 8 Zatu ne-
silleri dokuz ýüz kyrk bäş adam; 9 Zakaý
nesilleri ýedi ýüz altmyş adam; 10 Ba-
nynyň nesilleri alty ýüz kyrk iki adam;

[a] **1:1** ***Ýermeýa arkaly aýan edilen Rebbiň sözüniň*** – seret: Ýrm 25:11-14; 29:10-11.

[11]Bebaýyň nesilleri alty ýüz ýigrimi üç
adam; [12]Azgadyň nesilleri bir müň iki ýüz
ýigrimi iki adam; [13]Adonykamyň nesilleri
alty ýüz altmyş alty adam; [14]Bigwaýyň
nesilleri iki müň elli alty adam; [15]Adiniň
nesilleri dört ýüz elli dört adam; [16]Ateriň,
ýagny Hizkiýanyň nesilleri togsan sekiz
adam; [17]Bezaýyň nesilleri üç ýüz ýigrimi
üç adam; [18]Ýoranyň nesilleri bir ýüz on
iki adam; [19]Haşumyň nesilleri iki ýüz
ýigrimi üç adam; [20]Gibaryň nesilleri tog-
san bäş adam; [21]Beýtullahamyň halky bir
ýüz ýigrimi üç adam; [22]Netopanyň halky
elli alty adam; [23]Anatodyň halky bir ýüz
ýigrimi sekiz adam; [24]Azmawediň halky
kyrk iki adam; [25]Kirýatýegarymyň, Kepi-
ranyň we Beýerodyň halky ýedi ýüz kyrk
üç adam; [26]Ramanyň we Gebanyň halky
alty ýüz ýigrimi bir adam; [27]Mikmaşyň
halky bir ýüz ýigrimi iki; [28]Beýteliň we
Aýyň halky iki ýüz ýigrimi üç; [29]Nebonyň
halky elli iki adam; [30]Magbyşyň halky bir
ýüz elli alty adam; [31]Beýleki Eýlamyň
nesilleri bir müň iki ýüz elli dört adam;
[32]Harymyň halky üç ýüz ýigrimi adam;
[33]Loduň, Hadydyň we Ononyň halky ýedi
ýüz ýigrimi bäş adam; [34]Ýerihonyň halky
üç ýüz kyrk bäş adam; [35]Senanyň halky
üç müň alty ýüz otuz adam.
[36]Ruhanylar: Ýeşuwanyň neslinden Ýe-
daýanyň nesilleri dokuz ýüz ýetmiş üç
adam; [37]Immeriň nesilleri bir müň elli
iki adam; [38]Paşhuryň nesilleri bir müň
iki ýüz kyrk ýedi adam; [39]Harymyň
nesilleri bir müň on ýedi adam.
[40]Lewiler Hodawýanyň nesillerinden
bolan Ýeşuwanyň we Kadmyýeliň ne-
silleri ýetmiş dört adam.
[41]Aýdymçylar: Asafyň nesilleri bir ýüz
ýigrimi sekiz adam.
[42]Derwezebanlar: Şallumyň, Ateriň, Tal-
monyň, Akubyň, Hatytanyň, Şobaýyň
nesilleri, ähli si bilelikde bir ýüz otuz
dokuz adam.
[43]Ybadathana hyzmatkärleri: Sihanyň,
Hasupanyň, Tabagotyň, [44]Keýrosyň,
Sigahanyň, Padonyň, [45]Lebananyň,
Hagabanyň, Akubyň, [46]Hagapyň, Şal-
maýyň, Hananyň, [47]Gidolyň, Geharyň,
Reýaýanyň, [48]Resiniň, Nekodanyň, Ga-
zamyň, [49]Uzanyň, Paseýanyň, Besaýyň,
[50]Asnanyň, Megunymyň, Nepusymyň,
[51]Bakbugyň, Hakupanyň, Harhuryň,
[52]Baslutyň, Mehidanyň, Harşanyň,
[53]Barkosyň, Siseranyň, Temanyň, [54]Ne-
siýanyň, Hatypanyň nesilleri.
[55]Süleýmanyň hyzmatkärleriniň nesille-
rinden Sotaýyň, Hasoperetiň, Perudanyň,
[56]Ýaglanyň, Darkonyň, Gidolyň, [57]Şepat-
ýanyň, Hatylyň, Pokeret Hasebaýymyň
we Ominiň nesilleri. [58]Ähli ybadathana
hyzmatkärleriniň we Süleýmanyň hyz-
matkärleriniň nesilleriniň jemi üç ýüz
togsan iki adam boldy.
[59]Telmeladan, Telharşadan, Kerupdan,
Adandan we Immerden gaýdyp gelen,
ýöne öz tireleriniň, aslynyň Ysraýyla
degişlidiklerini subut edip bilmedikleri
şulardy: [60]Delaýanyň, Tobyýanyň we
Nekodanyň nesilleri alty ýüz elli iki
adam. [61]Şeýle-de ruhanylaryň nesil-
lerinden Habaýa, Hakos we Barzyllaý
(gilgatly Barzyllaýyň gyzlaryndan aýal
alyp, şolaryň ady bilen atlandyrylan.)
[62]Bular öz atlaryny nesil daragty bo-
ýunça hasaba alnanlaryň arasyndan
gözlediler, emma tapyp bilmediler.
Şonuň üçinem olar ruhanylykdan çy-
karyldylar. [63]Häkim olara Urymy we
Tummymy [a] ulanyp bilýän ruhany

[a] **2:63** ***Urym we Tummym*** – Hudaýyň islegini bilmek üçin ruhanylar tarapyndan ulanylýan iki sany daş. Sözlüge seret.

tapylýança, iň mukaddes nahardan
iýmezligi tabşyrdy.
64-65 Ýedi müň üç ýüz otuz ýedi aýal-
dyr erkek hyzmatkärleri hem-de iki ýüz
erkek hem aýal aýdymçylary hasap et-
mäniňde, ähli halkyň sany kyrk iki müň
üç ýüz altmyşdy. 66-67 Olaryň ýedi ýüz
otuz alty aty, iki ýüz kyrk bäş gatyry,
dört ýüz otuz bäş düýesi, alty müň ýedi
ýüz ýigrimi eşegi bardy.

68 Käbir urugbaşylar Iýerusalimdäki Reb-
biň öýüne gelenlerinde, Hudaýyň öýüni
öňki ýerinde dikeltmek üçin, meýletin sa-
dakalar berdiler. 69 Olar öz ýagdaýlarynyň
ýetdiginden gurluşyk hazynasyna ýigri-
mi bäş batman [a] altyn, ýüz elli batman [b]
kümüş we ýüz laý ruhany eşigini berdiler.
70 Ruhanylar, lewiler, halkyň käbiri, yba-
dathana aýdymçylary, derwezebanlary
we hyzmatkärleri öz galalarynda, ysra-
ýyllar hem öz galalarynda ornaşdylar.

## 3-nji bap

### *Gurbanlyk sypasy ýasalýar*

1 Ysraýyllar öz galalarynda ýerle-
şenlerinden soň, ýedinji aýda ähli ilat
Iýerusalime ýygnandy. 2 Hudaýyň adamy
Musanyň kanunynda ýazylyşy ýaly, Ýo-
sadagyň ogly Ýeşuwa beýleki ruhanylar
bilen, Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyl öz
garyndaşlary bilen Ysraýylyň Hudaýy-
na ýakma gurbanlyklaryny bermek üçin,
gurbanlyk sypasyny ýasadylar. 3 Olar
ýerli halklardan gorkansoňlar, gurbanlyk
sypasyny öňki ýerinde ýasadylar. Olar
gurbanlyk sypasynda ertirine we agşamy-
na Rebbe ýakma gurbanlyklaryny berdiler.
4 Olar Töwratda ýazylyşy ýaly, Çatma baý-
ramyny bellediler. Düzgüne laýyklykda,
her gün üçin berilmeli gündelik ýakma
gurbanlyklaryny sanyna görä berdiler.
5 Soňra hemişelik ýakma gurbanlykla-
ryny, Täze Aýda we Rebbiň mukaddes
baýramlarynda berilýän sadakalary we
her kimiň Rebbe meýletin sadakalaryny
berdiler. 6 Ýedinji aýyň birinji gününden
başlap, olar Rebbe ýakma gurbanlyk-
laryny berip başladylar. Emma Rebbiň
ybadathanasynyň entek düýbi tutulmandy.

### *Ybadathananyň düýbi tutulýar*

7 Şonuň üçinem olar daş ýonujylara,
neçjarlara pul, sidonlylara we surlulara
Liwandan deňiz üsti bilen Ýafo çenli
kedr agaçlaryny getirmekleri üçin iýmit,
içgi we zeýtun ýagyny berdiler. Olara bu
zatlary etmäge Pars patyşasy Kureşden
rugsat bardy. 8 Iýerusalimdäki Hudaýyň
öýüne gaýdyp gelenlerinden soň, ikinji
ýylyň ikinji aýynda Şeýaltyýeliň ogly
Zerubabyl we Ýosadagyň ogly Ýeşuwa
öz galan adamlary, ruhanylar, lewiler we
ýesirlikden boşap, Iýerusalime gelenle-
riň ähli̇si bilen işe başladylar. Lewileriň
ýigrimi we ondan ýokary ýaşlylaryny
Rebbiň öýüniň işine gözegçilik etmäge
bellediler. 9 Ýeşuwa öz ogullary, garyn-
daşlary bilen, Kadmyýel hem öz ogullary
bilen, Ýahudanyň [ç] ogullary – hemmesi
birlikde Hudaýyň öýünde işleýänleriň
üstünden gözegçilik edýärdiler. Olara
Henadadyň ogullary, lewiler, olaryň
ogullary hem-de garyndaşlary kömek
edýärdiler. 10 Ussalar Rebbiň ybadatha-
nasynyň düýbüni tutanlarynda, Ysraýyl
patyşasy Dawudyň girizen düzgünine

---

[a] **2:69** ***Ýigrimi bäş batman*** – ýewreýçe *altmyş bir müň darik*. Bu takm. 500 kg deňdir.
[b] **2:69** ***Ýüz elli batman*** – ýewreýçe *bäş müň mina*. Bu takm. 3 tonna deňdir.
[ç] **3:9** ***Ýahuda*** – bu Hodawýanyň beýleki ady. Seret: Ezr 2:40.

görä, ýörite lybaslaryny geýnen ruhanylar surnaýlar, Asafyň neslinden bolan lewiler bolsa kimwallar alyp, Rebbe alkyş aýtmak üçin öňe çykdylar.
11 Olar Rebbi alkyşlap, Oňa şükür edip:

«Reb ýagşy,
Onuň Ysraýyla bolan söýgüsi
baky»

diýip, nagma aýtdylar. Rebbi alkyşlanlarynda, bütin halk uly şowhun etdi, sebäbi Rebbiň öýüniň düýbi tutulypdy.
12 Emma uly mähelläniň şatlyk şowhunyna garamazdan, köp adamlar: ruhanylar, lewiler, urugbaşylar bu öýüň düýbüniň tutulyşyny görenlerinde, möňňürip agladylar. Sebäbi olar ozalky öýi öz gözleri bilen görüpdiler.
13 Şonuň üçinem şatlyk şowhunyny adamlaryň agysyndan tapawutlandyryp bolmady. Halk şeýle bir şowhun-galmagal edýärdi welin, olaryň şowhuny uzaklardan eşidilýärdi.

## 4-nji bap

### *Duşmanlar ybadathananyň dikeldilmegine garşy bolýarlar*

1-2 Sürgünden gaýdyp gelenleriň Rebbiň ybadathanasyny gurýandyklaryny eşiden Ýahudanyň we Benýaminiň duşmanlary Zerubabylyň we urugbaşylaryň ýanyna gelip, olara: «Bizem siz bilen bile guraýaly, çünki biz hem siziň Hudaýyňyza sežde edýäris. Bizi bu ýere getiren Aşur patyşasy Esarhadonyň döwründen bäri, biz Oňa gurbanlyk berip gelýäris» diýdiler.
3 Emma Zerubabyldyr Ýeşuwa we beýleki Ysraýyl urugbaşylary olara: «Hudaýymyza öýi biz siz bilen bile gurmarys. Pars patyşasy Kureşiň bize buýruşy ýaly, Ysraýyl Hudaýy Rebbe öýi biziň özümiz gurarys» diýip jogap berdiler.

4 Onsoň bu ýurduň ilaty ýahuda halky Rebbiň öýüni gurup ýörkä, olary gorkuzyp, ellerini işden sowatdylar.
5 Ýahudalaryň niýetlerini amala aşyrtmazlyk üçin, olaryň garşysyna maslahatçylar tutdular. Bu ýagdaý Pars patyşalary Kureşiň patyşalyk eden döwründen tä Darýuşyň döwrüne çenli dowam etdi.

### *Iýerusalimiň dikeldilmegi togtadylýar*

6 Kserksiň döwründe ol patyşalyk edip başlan badyna, Ýahudanyň we Iýerusalimiň ilatyny aýyplap, oňa hat ýazdylar.
7 Artakserksiň patyşalygy döwründede Bişlam, Mitredat, Tabeýel we olaryň ýaranlary Pars patyşasy Artakserkse hat ýazdylar. Hat arameý dilinde ýazylyp, terjime edildi.
8 Rehum häkim we Şimşaý mürze dagy Iýerusalimi ýamanlap, patyşa Artakserkse hat ýazdylar.
9-10 Şeýle-de Rehum serkerde, Şimşaý mürze, olaryň ýaranlary: häkimler, wekiller, emeldarlar, parslar, erekliler, babyllylar, Suzadaky eýlamlylar, beýik hem şöhratly Osnaparyň göçürip, Samariýanyň galalarynda we Ýewfrat derýasynyň günbataryndaky welaýatda ýerleşdiren milletleri patyşa hat ýazdylar.
11 Ine, olaryň iberen hatynyň nusgasy:

«Patyşa Artakserkse: Siziň Ýewfrat derýasynyň günbataryndaky welaýatda ýaşaýan gullaryňyz size salam ýollaýarlar.
12 Ine, siziň ýanyňyzdan gaýdan ýahudylaryň biziň ýanymyza Iýerusalime gelendigini size mälim edýäris. Olar bu pitneçi we pis şäheri täzeden gurup ýörler. Olar binýatlary bejerip, diwarlary bitirip gelýärler.
13 Eger bu şäher täzeden gurlup, diwarlar dikeldilse, olaryň salgyt, paç, töleg tölemegi bes etjekdiklerini, munuň

bolsa patyşalygyň gaznasyna zyýan
ýetirjekdigini biz patyşa aýan edýäris.
14 Köşgüň duz-çöregini iýýänligimiz
üçin, olaryň biziň gözümiziň alnynda
patyşany äsgermezlik etmeklerine ýol
bermegiň bize gelişmejekdigi sebäpli,
biz size hat üsti bilen habar ýollaýarys.
15 Ata-babalaryňyzyň taryh ýazgylary-
ny barladyň. Taryh ýazgylarynda siz
bu şäheriň pitneçi, patyşalara we we-
laýat häkimlerine zyýanly şäherdigine
göz ýetirersiňiz. Irki döwürlerde-de bu
şäherde gozgalaňlar turupdyr. Şol se-
bäplem ol haraba öwrüldi. 16 Biz muny
patyşa aýan edýäris. Eger bu şäher tä-
zeden gurlup, diwarlar dikeldilse, onda
Ýewfrat derýasynyň günbataryndaky
welaýatda siziň raýatlygyňyz bolmaz».

17 Patyşa Rehum häkime, Şimşaý mürzä
olaryň Samariýada we Ýewfrat derýasy-
nyň günbataryndaky welaýatda ýaşaýan
ýaranlaryna şeýle jogap iberdi:

18 «Siziň bize ýollan hatyňyzyň
terjimesi meniň huzurymda okaldy.
19 Meniň buýruk bermegim bilen barlag
geçirildi hem-de bu şäheriň geçmişde
patyşalaryň garşysyna baş galdyrandy-
gy we onda pitne, gozgalaň turandygy
anyklanyldy. 20 Iýerusalimde güýçli pa-
tyşalar bolup, olar Ýewfrat derýasynyň
günbataryndaky bütin welaýata höküm
ýöredýän ekenler. Olara salgyt, paç,
töleg tölenilýän eken. 21 Şonuň üçin ol
adamlara işi bes etmegi buýruň. Men-
den buýruk bolýança, bu şäher täzeden
gurulmasyn. 22 Ýöne bu işde seresap bo-
luň, harsallyk etmäň, patyşalyga zyýan
getirjek ýagdaý döremesin».

23 Artakserks patyşanyň hatynyň nusga-
sy Rehum häkimiň, Şimşaý mürzäniň
we olaryň ýaranlarynyň öňünde okalan
badyna, olar howlukmaçlyk bilen Iýe-
rusalime ýahudylaryň ýanyna baryp,
zorluk we güýç bilen olary işi togtat-
maga mejbur etdiler. 24 Şeýdip, Hudaýyň
Iýerusalimdäki öýüniň dikeldiş işleri
togtadyldy. Bu ýagdaý Pars patyşasy
Darýuşyň patyşalygynyň ikinji ýylyna
çenli dowam etdi.

## 5-nji bap

### *Ybadathana gurluşygy täzeden başlanýar*

1 Hagaý pygamber bilen Ydonyň og-
ly Zakarýa pygamber Ýahudadaky we
Iýerusalimdäki ýahudylara Ysraýyl Hu-
daýynyň adyndan pygamberlik etdiler.
2 Onsoň Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyl bilen
Ýosadagyň ogly Ýeşuwa dagy Hudaýyň
Iýerusalimdäki öýüni täzeden gurmaga
başladylar. Hudaýyň pygamberleri-de olar
bilen bolup, olary ruhlandyrdylar.
3 Şol bir wagtda Ýewfrat derýasynyň
günbataryndaky welaýatyň hökümdary
Tatenaý, Şetar Bozenaý we ýaranlary
olaryň ýanyna gelip, şeýle diýdiler: «Bu
binany gurmaga we bitirmäge kim size
buýruk berdi?» 4 Şeýle hem olardan: «Bu
binany gurýanlaryň atlary kim?» diýip
soradylar. 5 Emma Ysraýyl Hudaýynyň
nazary ýahudy ýaşulularynda bolansoň,
bu iş hakdaky habar Darýuşa ýetip, on-
dan jogap gelýänçä, olar ýahudylaryň
işini togtadyp bilmediler. 6 Ýewfrat der-
ýasynyň günbataryndaky welaýatyň
hökümdary Tatenaýyň, Şetar Bozenaýyň
we onuň ýaranlary bolan şol welaýatyň
wekilleri patyşa Darýuşa hat ýazdylar.
7 Hatyň mazmuny şeýledi:

«Patyşa Darýuşa dogaýy salam!
8 Biz Ýahuda etrabyna, beýik Hudaýyň

öýüne barandygymyzy, siziň aly-
hezretleriňize mälim edýäris. Ol
ýonulan daşlardan we diwarlaryna
agaç örümler goýlup, salnyp ýör. Bu
iş janypkeşlik bilen üstünlikli alnyp
barylýar.
9 Onsoň biz olaryň ýaşulularyndan:
„Bu binany gurmaga we bitirmäge kim
size buýruk berdi?“ diýip soradyk.
10 Şeýle hem biz Size habar bermek we
olaryň ýaşulularynyň atlaryny ýazyp
almak niýeti bilen olardan atlaryny so-
radyk. 11 Olar bize şeýle jogap berdiler:

„Biz Ýeriň we Gögüň Hudaýynyň
gullary, köp ýyllar mundan öň gur-
lan öýi täzeden gurup ýörüs. Ony
Ysraýylyň beýik patyşasy doly gurup
gutardy. 12 Emma atalarymyzyň Gögüň
Hudaýynyň gaharyny getirendikleri
sebäpli, Ol olary kesetlerden bolan
Babyl patyşasy Nebukadnesaryň eli-
ne berdi. Nebukadnesar bolsa bu öýi
ýykyp, halky Babyla ýesir edip äkitdi.
13 Ýöne Babyl patyşasy Kureş öz
patyşalygynyň birinji ýylynda Huda-
ýyň bu öýüni täzeden gurmaly diýip
buýruk berdi. 14 Iýerusalimdäki Hu-
daýyň öýünden – ybadathanasyndan
Nebukadnesar tarapyndan alnan we
Babyl buthanasyna getirilip goýlan
altyn, kümüş gap-gaçlary Kureş pa-
tyşa Babyl buthanasyndan çykartdy.
Ol zatlar Şeşbasar atly bir adama
gowşuryldy. Ony Kureş patyşanyň
özi häkim belläpdi. 15 Kureş patyşa
oňa: ‘Bu gap-gaçlary al-da, Iýerusa-
limdäki ybadathana eltip goý hem-de
Hudaýyň öýüni öňki ýerinde gurdur’
diýdi. 16 Onsoň Şeşbasar gelip, Huda-
ýyň Iýerusalimdäki öýüniň düýbüni
tutdy. Ol şondan bäri gurlup ýör we
henizem tamamlananok“.
17 Şonuň üçinem eger patyşa makul
bilse, Babylyň şalyk arhiwlerinde bar-
lag geçirdip, Kureş patyşanyň Hudaýyň
Iýerusalimdäki öýüni täzeden gurmaga
ýörite buýruk berendigini ýa-da ber-
mändigini anyklatsyn. Bu iş barada
patyşa öz islegini bize bildirsin».

## 6-njy bap

### *Darýuş Kureşiň permanyny tassyklaýar*

1 Onsoň Darýuş patyşanyň buýruk
bermegi bilen Babyldaky hazynalaryň
saklanýan şa arhiwlerinde barlag geçi-
rildi. 2 Madaý welaýatynda ýerleşýän
Ekbatana galasyndan bolsa bir kagyz
tapyldy. Onda şeýle ýazgy bardy:
«Perman:

3 Kureş patyşa öz şalygynyň ilkinji
ýylynda Hudaýyň Iýerusalimdäki öýü-
niň täzeden gurluşygy barada şeýle
buýruk berdi:

„Bu öýde sadakalar we ýakma gur-
banlyklar berilsin; öýüň beýikligi-de,
ini-de altmyş tirsek bolsun. 4 Diwarlary-
nyň üç hatary ýonulan daşlardan we bir
hatary agaçdan örülsin. Harç-harajadyň
hemmesi şa hazynasyndan tölensin.
5 Şeýle hem Nebukadnesar tarapyndan
Hudaýyň Iýerusalimdäki öýünden al-
nyp, Babyla getirilen altyndyr kümüş
gaplar yzyna eltilip, ýene-de ybadatha-
nada ýerli-ýerinde goýulsyn. Siz olary
Hudaýyň öýünde goýmalysyňyz“».

6 Şeýdip, Darýuş patyşa şeýle ha-
bar ýollady: «Ýewfrat derýasynyň
aňyrsyndaky welaýatyň hökümdary
Tatenaý, Şetar Bozenaý hem-de ýa-
ranlaryňyz bolan Ýewfrat derýasynyň

aňyrsyndaky welaýatyň wekilleri, siz
öýe golaýlaşmaň. 7Hudaýyň öýüniň
işine päsgel bermäň. Goý, ýahudylaryň
häkimi we baştutanlary Hudaýyň bu
öýüni öňki ýerinde täzeden gursunlar.
8Munuň üstesine-de, men size ýahu-
dylaryň baştutanlaryna Hudaýyň bu
öýüniň gurulmagy üçin, näme kömek
etmelidigiňiz barada perman çykarýa-
ryn. Bu adamlaryň harjy dolulygyna we
gijikdirilmän şa hazynasyndan Ýewfrat
derýasynyň günbataryndaky welaýatyň
berýän salgydyndan tölensin. 9Gögüň
Hudaýyna ýakma gurbanlyklar ber-
mek üçin öküzçeler, goçlar, guzular
we başga-da näme zerur bolsa, bugdaý,
duz, şerap, ýag gerek bolsa, Iýerusa-
limdäki ruhanylaryň isledigiçe her gün
hökman berilsin. 10Şeýdip, olar Gögüň
Hudaýyny hoşal edäýjek gurbanlyklary
berip, patyşanyň we onuň ogullarynyň
janlarynyň saglygy üçin dileg etsinler.
11Şeýle hem kim şu permana boýun
egmese, onuň öýünden pürs sogrulyp,
öý eýesini şoňa çişlemegi buýruk berýä-
rin. Onuň öýi bolsa harabalyga öwrülsin.
12Goý, Iýerusalimi özüne ybadat edil-
meli ýer hökmünde saýlan Hudaý, bu
permany üýtgetmäge we Hudaýyň bu
öýüni ýykmaga synanyşan her bir pa-
tyşanydyr halky ýer bilen ýegsan etsin.
Men – Darýuş patyşa buýruk ber-
ýärin: bu perman janypkeşlik bilen
berjaý edilsin!»

### *Ybadathana Hudaýa bagyş edilýär*

13Onsoň Darýuş patyşanyň iberen ha-
tyna laýyklykda, Ýewfrat derýasynyň
günbataryndaky welaýatyň häkimi Tate-
naý, Şetar Bozenaý we olaryň ýaranlary
Darýuş patyşanyň permanyny doly berjaý
etdiler. 14Şeýdip, Hagaý pygamber bilen
Ydonyň ogly Zakarýanyň pygamberlik
etmekleri arkaly, ýahudylaryň baştutan-
lary ybadathanany gurdular; olaryň işleri
ilerledi. Olar Ysraýyl Hudaýynyň emri
bilen, Pars patyşalary Kureşiň, Darýuşyň
we Artakserksiň permany bilen bu binany
gurup gutardylar. 15Bu öý Adar aýynyň
üçüne[a], Darýuşyň patyşalygynyň altynjy
ýylynda gurlup gutaryldy.
16Onsoň ysraýyl halky, ruhanylardyr
lewiler we sürgünden gaýdyp gelen
başgalar hem Hudaýyň bu öýüniň ba-
gyşlanma dabarasyny uly şatlyk bilen
bellediler. 17Olar Hudaýyň öýüniň ba-
gyşlanma dabarasynda bir ýüz öküzi, iki
ýüz goçy, dört ýüz guzyny we Ysraýyl
tireleriniň sanyna görä, bütin ysraýyl
halky üçin günä gurbanlygy hökmün-
de on iki erkeji gurbanlyk berdiler.
18Musanyň Kitabynda ýazylyşy ýaly,
Iýerusalimde Hudaýa hyzmat etmekleri
üçin olar ruhanylary we lewileri dürli
toparlara böldüler.

### *Pesah baýramy*

19Birinji aýyň on dördünji güni sürgün-
den gaýdyp gelenler Pesah baýramyny
bellediler. 20Ruhanylardyr lewiler inlerini
tämizlediler; olaryň hemmesi tämizdi. Şo-
nuň üçin lewiler ähli sürgünden gaýdyp
gelenler üçin, öz ruhany doganlary we
özleri üçin Pesah janlysyny soýdular. 21Ys-
raýylyň sürgünden gaýdyp gelen halky,
şeýle hem Ysraýyl Hudaýy Rebbe ybadat
etmek üçin şol ýerli halklaryň nejis işle-
rinden el çekip, ýahudalara goşulanlaryň
bary ony iýdiler. 22Onsoň olar ýedi günläp
uly şatlyk bilen Petir baýramyny bellediler.

[a] **6:15** ***Adar aýynyň üçüne*** – bu 12-nji martdyr.

Çünki Reb olara şatlyk berdi we Ysraýyl
Hudaýynyň öýüni gurmaga ýahudalara
ýardam bereri ýaly, Aşur patyşasynyň
kalbynda olara bolan rehim oýardy.

## 7-nji bap

### *Ezra Iýerusalime gelýär*

1-6 Bu wakalardan soň Pars patyşasy
Artakserksiň döwründe Ezra Babyldan
çykdy. Ol Seraýanyň ogludy. Seraýa
Azarýanyň, Azarýa Hilkiýanyň, Hilki-
ýa Şallumyň, Şallum Sadognyň, Sagdok
Ahytubyň, Ahytup Amarýanyň, Amarýa
Azarýanyň, Azarýa Meraýodyň, Meraýot
Zerahýanyň, Zerahýa Uzynyň, Uzyny
Bukynyň, Buky Abyşuwaň, Abyşuwa
Pinehasyň, Pinehas Elgazaryň, Elgazar
baş ruhany Harunyň ogludy. Ol Ysraýyl
Hudaýy Rebbiň Musa beren kanunyn-
dan oňat baş çykarýan, ökde mürzedi.
Patyşa oňa soran zatlarynyň hemmesini
berdi, çünki Hudaýy Reb ony goldaýardy.
7 Artakserks patyşanyň patyşalygynyň
ýedinji ýylynda ysraýyl halkynyň bir
bölegi, birnäçe ruhanylardyr lewiler, yba-
dathana aýdymçylarydyr derwezebanlary
we hyzmatkärleri Iýerusalime gaýtdylar.
8 Ezra Artakserksiň patyşalygynyň ýe-
dinji ýylynyň bäşinji aýynda Iýerusalime
geldi. 9 Ezra birinji aýyň birinji güni
Babyldan çykyp gaýdypdy. Hudaýynyň
ýalkamagy bilen ol bäşinji aýyň birinji
güni Iýerusalime geldi. 10 Ezra Rebbiň
kanunyny öwrenip, ony berjaý etmegi,
Ysraýylda onuň parzlaryny, hökümlerini
öwretmegi ýüregine düwüpdi.

### *Artakserks patyşanyň Ezra beren haty*

11 Artakserks patyşanyň Rebbiň tabşy-
ryklaryndan we Onuň ysraýyl halkyna
beren parzlaryndan oňat baş çykarýan
ruhanysy, Ezra mürzä ýazan hatynyň
nusgasy şeýledir:

12 «Şalaryň şasy Artakserksden Gö-
güň Hudaýynyň kanunlaryny ýazýan
Ezra ruhana dogaýy salam!

13 Men ýurdumdaky ysraýyl halkyn-
dan ýa olaryň ruhanylaryndan, ýa-da
lewilerden öz meýli bilen Iýerusalime
gitmek isleýän her bir adama rugsat
berilsin diýip buýurýaryn. 14 Sen paty-
şa we onuň ýedi geňeşçisi tarapyndan
Ýahudada we Iýerusalimde eliňdäki
Hudaýyň kanunynyň nähili ýerine ýe-
tirilýändigini barlamak üçin, 15 patyşa
we onuň geňeşçileriniň Iýerusalimde
mesgen tutýan Ysraýyl Hudaýyna
meýletin beren altyndyr kümşüni
äkitmek üçin, 16 bütin Babyl welaýa-
tyndan tapjak altyndyr kümşüňi we
öz Hudaýlarynyň Iýerusalimdäki öýi
üçin ruhanylaryň, halkyň beren meý-
letin sadakalaryny alyp gitmek üçin
iberilýärsiň. 17 Bu pullar seresaplylyk
bilen ulanylyp, oňa öküzler, goçlardyr
guzular, galla we içgi sadakalary satyn
alnyp, olar Hudaýyňyzyň Iýerusalim-
däki öýüniň gurbanlyk sypasynda
sadaka berilsin.
18 Galan altyndyr kümşi öz dogan-
laryň bilen Hudaýyňyzyň islegine
görä, näme göwnüňize jaý bolsa, şoňa
ulanyp bilersiňiz. 19 Hudaýyň öýüniň
hyzmaty üçin özüňe berlen gap-gaç-
lary hem Iýerusalimde mesgen tutýan
Hudaýyňyň huzuryna eltip goý. 20 Öz
Hudaýyňyň öýi üçin ýene-de zat ge-
rek bolsa, şanyň hazynasyndan alyp
bilersiň.
21 Men patyşa Artakserks, Ýew-
frat derýasynyň aňyrsyndaky ähli

hazynadarlara buýruk berýärin! Gö-
güň Hudaýynyň kanunyny ýazýan
Ezra ruhana näme gerek bolsa, ony
dessine berjaý ediň. 22 Ýüz ýetmiş
batmana[a] çenli kümüş, ýedi ýüz elli
batmana[b] çenli bugdaý, otuz meşik[ç]
şerap, otuz hum[d] ýag hem-de hasap-
syz duz berilsin. 23 Patyşanyň we onuň
ogullarynyň başyna gazap inmez ýaly,
Gögüň Hudaýy tarapyndan Hudaýyň
öýi barada näme tabşyryk berilse, ol
doly berjaý edilsin. 24 Şeýle hem, size
aýan edýäris: ruhanylardyr lewileriň,
ybadathana aýdymçylarydyr derwe-
zebanlaryň we hyzmatkärleriň, şeýle
hem Hudaýyň bu öýüniň beýleki hyz-
matkärleriniň hiç birinden salgyt, paç,
töleg alynmasyn.

25 Sen bolsa, Ezra, Hudaýyň saňa
beren pähim-paýhasyna görä, Ýewfrat
derýasynyň günbataryndaky welaýat-
da, seniň Hudaýyňyň kanunlaryny
bilýän bütin halka hökümini ýöredip
biljek kazylary, häkimleri belle. Ka-
nuny bilmeýänlerine-de sen öwret.
26 Kim seniň Hudaýyňyň kanunydyr
patyşanyň kanunyna boýun egmese,
oňa berk temmi berilsin. Ol ölüme
höküm edilsin ýa-da sürgün edilsin,
onuň emlägi elinden alynsyn ýa-da
ol zyndana taşlansyn!»

### *Ezra Rebbi alkyşlaýar*

27 Rebbiň Iýerusalimdäki öýüne şöhrat
getirmek üçin patyşanyň kalbyna bu
zatlary salan atalarymyzyň Hudaýy Reb-
be alkyş bolsun! 28 Ol patyşanyň, onuň
geňeşçileriniň we ähli güýçli begzada-
larynyň huzurynda maňa merhemetini
eçdi. Hudaýym Rebbiň goldawyndan
ruhlanyp, meniň bilen Iýerusalime do-
lanmaklary üçin Ysraýyl baştutanlaryny
ýygnadym.

## 8-nji bap

### *Sürgünden gaýdyp gelen urugbaşylar*

1 Artakserks patyşanyň döwründe
meniň bilen bile Babyldan çykan urug-
başylar we olaryň nesil ýazgysy şudur:

2-3 Pinehasyň neslinden Gerşom; Yta-
maryň neslinden Danyýel; Dawudyň
neslinden Hatuş, Şekanýanyň nesilleri.
Paroşyň neslinden Zakarýa we onuň bi-
len nesil daragty boýunça hasaba alnan
ýüz elli erkek adam. 4 Pahatmowabyň
neslinden Zerahýanyň ogly Elýogeý-
naý we onuň bilen iki ýüz erkek adam.
5 Ýahazyýalyň neslinden Şekanýa we
onuň bilen üç ýüz erkek adam. 6 Adiniň
neslinden Ýonatanyň ogly Ebet we onuň
bilen elli erkek adam. 7 Eýlamyň neslin-
den Atalýanyň ogly Ýeşagýa we onuň
bilen ýetmiş erkek adam. 8 Şepatýanyň
neslinden Mikaýylyň ogly Zebadýa we
onuň bilen segsen erkek adam. 9 Ýowa-
byň neslinden Ýehiýeliň ogly Abadýa
we onuň bilen iki ýüz on sekiz erkek
adam. 10 Ýosypýanyň neslinden Şelomyt
we onuň bilen ýüz altmyş erkek adam.
11 Bebaýyň neslinden Bebaýyň ogly Za-
karýa we onuň bilen ýigrimi sekiz erkek
adam. 12 Azgadyň neslinden Hakatanyň

[a] **7:22** ***Ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3,4 tonna deňdir.
[b] **7:22** ***Ýedi ýüz elli batman*** – ýewreýçe *ýüz kor*. Bu takm. 15 tonna deňdir.
[ç] **7:22** ***Otuz meşik*** – ýewreýçe *ýüz bat*. Bu takm. 2200 litre deňdir.
[d] **7:22** ***Otuz hum*** – ýewreýçe *ýüz bat*. Bu takm. 2200 litre deňdir.

ogly Ýohanan we onuň bilen bir ýüz on
erkek adam. 13 Adonykamyň soňky ne-
sillerinden bolanlaryň atlary: Elipelet,
Ýegiýel, Şemagýa we olar bilen altmyş
erkek adam. 14 Bigwaýyň neslinden Utaý,
Zakur we olar bilen ýetmiş erkek adam.

### *Ybadathana hyzmatyna taýýarlyk*

15 Men olaryň hemmesini Ahawa tarap
akýan derýanyň boýuna ýygnadym. Biz
ol ýerde üç gün düşledik. Men halky we
ruhanylary bir laý gözden geçirenimde,
lewilerden ýekejesine-de gözüm düşme-
di. 16 Onsoň men baştutanlar Eligezeri,
Ariýeli, Şemagýany, Elnatany, Ýaryby,
Elnatany, Natany, Zakarýany, Meşulla-
my we pähim-paýhasly adamlar bolan
Ýoýaryby, Elnatany çagyrtdym. 17 Olary
Kasypýadaky baştutan Ydonyň ýanyna
iberdim. Bize Hudaýymyzyň ybadathana-
synda gulluk eder ýaly adam ibermekleri
üçin, Kasypýadaky Ydo we onuň garyn-
daşlaryna – ybadathana hyzmatkärlerine
näme diýmelidigini olara aýtdym. 18 Hu-
daýymyzyň ýalkamagy bilen olar biziň
ýanymyza Ysraýylyň çowlugy, Lewiniň
agtygy Mahlynyň neslinden bolan Şereb-
ýa atly dana adamy we onuň ogullarydyr
garyndaşlaryny – jemi on sekiz ada-
my getirdiler. 19 Şeýle hem Haşabýany,
onuň bilen Merarynyň neslinden bolan
Ýeşagýany we onuň garyndaşlarydyr
olaryň ogullaryny – jemi ýigrimi adamy;
20 bulardan başga-da Dawut bilen onuň
emeldarlarynyň lewilere hyzmat etmäge
bellän ybadathana hyzmatkärleriniň ne-
sillerinden iki ýüz ýigrimisini getirdiler.
Olaryň ählisiniň ady tutuldy.

21 Hudaýymyzyň öňünde özümizi
peseldip, ýolda bizi, balalarymyzy we
ähli emlägimizi goramagyny Ondan
diläp, Ahawa derýasynyň boýunda agyz
beklemegi yglan etdim. 22 Çünki men
patyşadan ýolda bizi duşmandan go-
rar ýaly esgerler we atlylary dilemäge
çekindim. Biz patyşa: «Hudaýymyz
Özüni agtarýanlaryň hemmesine mer-
hemet edýär. Özünden ýüz öwrenleriň
garşysyna bolsa Onuň gazaby güýçlü-
dir» diýip aýdypdyk. 23 Şeýdip, biz agyz
bekläp, Hudaýymyzdan bizi goramagy-
ny dileg edip ýalbardyk. Ol hem biziň
dilegimizi eşitdi.

24 Soňra men on iki ruhany ýolbaş-
çysyny: Şerebýany, Haşabýany olaryň
on sany garyndaşy bilen birlikde saýlap
aldym. 25 Patyşanyň, onuň geňeşçileriniň,
baştutanlarynyň we bütin ysraýyl hal-
kynyň Hudaýymyzyň öýi üçin sadaka
beren altynyny, kümşüni we gap-gaç-
laryny olara çekip berdim. 26-27 Olaryň
eline bir müň bir ýüz batman [a] kümüş,
bir ýüz ýetmiş batmana [b] laýyk kümüş
okaralar, bir ýüz ýetmiş batman altyn,
ýigrimi gadaga [ç] laýyk ýigrimi sany al-
tyn okara, altyn ýaly gymmat, lowurdap
duran bürünçden edilen iki sany gap-
-gajy ölçäp berdim. 28 Men olara şeýle
diýdim: «Siz Rebbe bagyş edilensiňiz,
bu gap-gaçlar hem bagyş edilendir. Bu
altyndyr kümüş siziň ata-babalaryňy-
zyň Hudaýy Rebbe berlen meýletin
sadakadyr. 29 Bu zatlary Rebbiň öýü-
niň otaglarynda baş ruhanylaryň we
lewileriň Iýerusalimdäki Ysraýyl urug-
başylaryna gowşurýançaňyz, olary berk
gorap saklaň». 30 Şeýdip, ruhanylardyr

---

[a] **8:26-27** ***Bir müň bir ýüz batman*** – ýewreýçe *alty ýüz elli kikkar*. Bu takm. 22 tonna deňdir.
[b] **8:26-27** ***Bir ýüz ýetmiş batman*** – ýewreýçe *ýüz kikkar*. Bu takm. 3,4 tonna deňdir.
[ç] **8:26-27** ***Ýigrimi gadaga laýyk*** – ýewreýçe *bir müň darik*. Bu takm. 8,5 kg deňdir.

lewiler altyndyr kümşi we Hudaýymy-
zyň Iýerusalimdäki öýüne äkidilmek
üçin ölçelip berlen gap-gaçlary kabul
edip aldylar.
31 Onsoň birinji aýyň on ikinji güni
biz Ahawa derýasynyň boýundan Iýe-
rusalime bakan ýola rowana bolduk.
Ýolda Hudaýymyz biziň bilen bile bo-
lup, Ol bizi ýoldaky garakçylardan we
duşman elinden halas etdi. 32 Biz Iýe-
rusalime gelip, ol ýerde üç gün galdyk.
33 Dördülenji gün Hudaýymyzyň öýünde
altyndyr kümüş we gap-gaçlar ölçelip,
olar Uryýanyň ogly ruhany Meremo-
tyň eline berildi. Meremotyň ýanynda
Pinehasyň ogly Elgazar bardy. Lewi ti-
resinden bolan Ýeşuwanyň ogly Ýozabat
we Binnuýyň ogly Nogadýa hem olaryň
ýanyndady. 34 Ähli zat sanalyp, ölçelip,
ähлisiniň jemi agramy ýazylyp alyndy.
35 Onsoň ýesirlikden, sürgünden gaý-
dyp gelenler Ysraýyl Hudaýyna ýakma
gurbanlyklar berdiler. Bütin Ysraýyl
üçin on iki öküz, togsan alty goç, ýetmiş
ýedi guzy, günä gurbanlygy üçin hem
on iki erkeç berdiler. Bularyň hem-
mesi Rebbe ýakma gurbanlyk üçindi.
36 Patyşanyň permanlaryny bolsa onuň
hökümdarlaryna, Ýewfrat derýasynyň
günbataryndaky welaýatyň häkimlerine
ýetirdiler. Olar halka we Hudaýyň öýüne
kömek etdiler.

## 9-njy bap

### *Ezra garyşyk nikalar hakda eşidýär*

1 Bu işler tamamlanandan soň, baştu-
tanlar meniň ýanyma gelip: «Ysraýyl
halky we ruhanylardyr lewiler bu ýe-
riň halklaryndan, ýagny kenganlardan,
hetlerden, perizlerden, ýabuslardan,
ammonlardan, mowaplardan, müsür-
lilerden, amorlardan we olaryň nejis
işlerinden özlerini aýry tutup bilmediler»
diýdiler. 2 Çünki ysraýyllar özlerine we
ogullaryna olardan gyz alyp, mukaddes
tohumy ýerli halklar bilen garyşdyrdy-
lar. Bu hyýanatda baştutanlaryň özleri
hemmeden öňde boldular. 3 Muny eşi-
denimde, men eşiklerimi we donumy
ýyrtyp, saç-sakgalymy ýolup, gaýgy-ga-
ma batyp oturdym. 4 Sürgünden gaýdyp
gelenleriň bu eden hyýanaty sebäpli,
Ysraýyl Hudaýynyň aýdan sözlerinden
gorkup sandyraşýanlaryň bary meniň
daşyma üýşdüler. Men agşam gurbanly-
gyna çenli gaýgy-gama batyp oturdym.
5 Agşam gurbanlygynyň berilýän wagty
men ýerimden galyp, sal-sal eşikli we
ýapynjaly dyza çöküp, ellerimi Hudaýym
Rebbe tarap uzadyp, Oňa dileg etdim:

6 «Eý, Hudaýym, Saňa ýüzlenmäge
utanýaryn! Çünki günämiz başymyz-
dan agdy, ýazygymyz beýgelip göge
ýetdi. 7 Ata-babalarymyzyň döwrün-
den tä şu güne çenli biziň ýazygymyz
uludyr. Günälerimiz üçin özümiz, pa-
tyşalarymyz, ruhanylarymyz edil şu
günki ýaly keseki ýerli patyşalaryň
eline berildik, gylyçdan geçirildik,
ýesirlige düşdük, talaňa, masgaraçy-
lyga sezewar edildik.
8 Emma indi Hudaýymyz Reb bize,
aman galan halka az salymlyk rehim
etdi we Öz mukaddes mekanynda
orun berdi. Gözümizi nurlandyryp,
gulçulygymyzda bize biraz ýeňillik
berdi. 9 Biz gullardyrys, emma Hu-
daýymyz bizi gulçulykda terk etmän,
gaýtam Pars patyşalarynyň huzuryn-
da bize Özüniň merhemetini eçildi.
Hudaýymyzyň öýüni gurup, onuň
ýykylan ýerlerini dikelder ýaly, bize
täze durmuş berdi. Ol Ýahudada we
Iýerusalimde bize pena berdi.

10 Eý, Hudaýymyz, indi, mundan
soň biz näme diýeli? Çünki biz seniň
tabşyryklaryňy terk etdik. 11 Sen Öz
gullaryň bolan pygamberleriňiň üsti
bilen: „Eýelejek bolup barýan ýur-
duňyz ýerli halklaryň haramlyklary,
nejislikleri bilen hapalanan ýurtdyr.
Olar ony boýdan-başa öz haramlyk-
lary bilen doldurdylar. 12 Şonuň üçin
ýerli halklar bilen gyz alşyp-berişmäň.
Hiç haçan olaryň salamatlygyny we
abadanlygyny agtarmaň. Şonda siz
güýçlenip, ol ýeriň näz-nygmatlaryn-
dan iýip, ony nesilleriňize ebedilik
miras galdyrarsyňyz“ diýipdiň.
13 Pis işlerimiz we uly ýazygymyz
zerarly başymyza inen bu bela-beter-
lerden soň, eý, Hudaýymyz, Sen bize
günälerimize laýyk jeza bermän, gaý-
tam bizi aman galdyrdyň. 14 Biz ýene
Seniň tabşyryklaryňy bozup, bu nejis
işleri edýän halklar bilen daryndaşlyk
açalymy? Seniň gahar-gazabyň biziň
ýekejämizi hem aman galdyrman heläk
eder. 15 Ýa Reb, eý, Ysraýyl Hudaýy,
Sen adylsyň! Bu gün biziň, aman galan
halkyň günäsi zerarly Seniň öňüňde
durup biljegimiz ýokdur, emma şon-
da-da biz Seniň huzuryňda durus».

## 10-njy bap

### *Garyşyk nikalaryň soňuna çykmak maslahaty*

1 Ezra Hudaýyň öýüniň öňünde ýüzüni
ýere berip aglap, dileg etdi we günälerini
boýun aldy. Ysraýyllardan uly mähelle:
erkekler, aýallar we çagalar onuň daşyna
üýşdüler. Olar hem zar-zar aglaşdylar.
2 Onsoň Eýlam ogullaryndan bolan Ýehi-
ýeliň ogly Şekanýa Ezra ýüzlenip: «Biz
keseki halkdan bolan aýallara öýlenip,
Hudaýymyza biwepalyk etdik. Emma
muňa garamazdan, Ysraýylda entegem
umyt bar. 3 Şonuň üçinem indi, jenaby-
myň we Hudaýymyzyň tabşyryklaryna
sarpa goýýanlaryň maslahaty bilen bu
aýallaryň ählisini we olaryň çagalaryny
kowjakdygymyz barada öz Hudaýymyz
bilen äht edişeliň. Goý, bu iş kanun bo-
ýunça ýerine ýetirilsin. 4 Işe giriş, bu
seniň borjuňdyr, biz hem seniň bilendiris.
Mert bol-da, bu işi amala aşyr» diýdi.
5 Onsoň Ezra ýerinden turup, ruhanylara,
lewilere we bütin ysraýyl halkyna, ola-
ryň şu aýdylany berjaý etjekdiklerine ant
içirdi. Şeýdip, olaryň hemmesi ant içdiler.
6 Soňra Ezra Hudaýyň öýüniň öňünden
gaýdyp, Elýaşybyň ogly Ýehohananyň
öýüne bardy. Ol sürgünden gaýdyp ge-
lenleriň biwepalygy üçin ýas tutup, gijäni
çörek iýmän, suw içmän geçirdi. 7 Sür-
günden gelenleriň ählisiniň Iýerusalime
ýygnanmalydygy barada Ýahudada we
Iýerusalimde jar çekildi. 8 Eger kim-
de-kim üç günüň içinde Iýerusalime
gelmese, baştutanlaryň we ýaşulularyň
buýrugy boýunça, olaryň ähli emlä-
gi ellerinden alnyp, olaryň özleri hem
sürgünden gelen halkyň arasyndan çy-
karyljakdyr diýlip yglan edildi.
9 Onsoň Ýahudanyň we Benýaminiň
ähli adamlary üç günüň içinde Iýerusa-
lime ýygnandylar. Bu dokuzynjy aýyň
ýigriminji günüdi. Ähli adamlar bu işiň
wajyplygyndan we güýçli ýagyşdan
ýaňa galpyldaşyp, Hudaýyň ybadatha-
nasynyň öňündäki açyk meýdançada
oturdylar. 10 Onsoň ruhany Ezra ýerin-
den galyp, olara: «Siz keseki halklardan
bolan aýallara öýlenip günä etdiňiz. Siz
Ysraýylyň ýazygyny artdyrdyňyz. 11 Indi
bolsa ata-babalaryňyzyň Hudaýy Rebbiň
öňünde günäleriňizi boýun alyp, onuň
erk-isleglerini ýerine ýetiriň. Özüňizi bu
ýeriň halklaryndan we keseki halklardan

alan aýallaryňyzdan aýry tutuň» diýdi.
12 Muňa bütin mähelle gaty ses bilen şeýle
jogap berdi: «Dogry, biz seniň aýdanlary-
ňy hökman ýerine ýetirmelidiris. 13 Ýöne
halk köp, bu wagt ýagyşam ýagyp dur,
biziň daşarda durara mejalymyz galmady.
Bu işem bir ýa iki günüň işi däl, çünki
bu babatda biziň köpimiz günä gazan-
dyk. 14 Goý, biziň baştutanlarymyz bütin
mähelläniň adyndan işe girişsin. Bu iş ze-
rarly Hudaýymyzyň gahar-gazaby biziň
üstümizden sowulýança, galalarymyzda
başga milletlerden aýal alanlaryň bary
öz galalarynyň ýaşululary we kazylary
bilen bile bellenen wagtda gelsinler».
15 Muňa diňe Asaheliň ogly Ýonatan bilen
Tikwanyň ogly Ýahzeýa garşy boldular.
Meşullam bilen lewi tiresinden bolan
Şabetaý hem olary goldadylar. 16 Onsoň
sürgünden gaýdyp gelenler hem olaryň
yzyna eýerdiler. Ruhany Ezra uruglary-
na görä urugbaşylary saýlady. Olaryň
hemmesiniň atlary tutulyp saýlanyldy.
Onunjy aýyň birine olar bu işi barlama-
ga girişdiler. 17 Birinji aýyň birine çenli
keseki halklardan aýal alan erkeklere
degişli bolan bu barlag işini gutardylar.

18 Ruhany nesilleriniň arasyndan kese-
ki milletlerden aýal alanlardan tapylanlar
şulardyr:

Ýosadagyň ogly Ýeşuwanyň we onuň
doganlarynyň nesillerinden: Magase-
ýa, Eligezer, Ýaryp we Gedalýa. 19 Olar
aýallaryny aýyrjakdyklaryna ant içip,
ýazyklary üçin sürüden bir goç alyp,
ýazyk gurbanlygyny berdiler. 20 Immeriň
nesillerinden Hanany we Zebadýa; 21 Ha-
rymyň nesillerinden Magaseýa, Eliýa,
Şemagýa, Ýehiýel we Uzyýa; 22 Paşhuryň
nesillerinden: Elýogeýnaý, Magaseýa,
Ysmaýyl, Netanel, Ýozabat we Elgasa.

23 Lewilerden Ýozabat, Şimgi, Kela-
ýa (bu Kelitadyr), Petahýa, Ýahuda we
Eligezer; 24 aýdymçylardan: Elýaşyp; der-
wezebanlardan: Şallum, Telem we Ury.

25 Beýleki ysraýyllardan, Paroş ne-
sillerinden Ramýa, Ýiziýa, Malkyýa,
Miýamyn, Elgazar, Malkyýa we Bena-
ýa; 26 Eýlamyň nesillerinden Matanýa,
Zakarýa, Ýehiýel, Abdy, Ýeremot we
Eliýa; 27 Zatunyň nesillerinden Elýogeý-
naý, Elýaşyp, Matanýa, Ýeremot, Zabat
we Azyza; 28 Bebaýyň nesillerinden Ýe-
hohanan, Hananýa, Zabaý we Atlaý.
29 Banynyň nesillerinden Meşullam, Mal-
luk, Adaýa, Ýaşup, Şeýal we Ýeremot;
30 Pahatmowabyň nesillerinden Adna,
Kelal, Benaýa, Magaseýa, Matanýa, Be-
salel, Binnuý we Manaşa; 31-32 Harymyň
nesillerinden Eligezer, Ýişiýa, Malkyýa,
Şemagýa, Şimgon, Benýamin, Malluk we
Şemarýa; 33 Haşumyň nesillerinden Ma-
tenaý, Matata, Zabat, Elipelet, Ýeremaý,
Manaşa we Şimgi; 34-37 Banynyň nesille-
rinden Magadaý, Imran, Uwel, Benaýa,
Bedeýa, Keluhu, Wanyýa, Meremot,
Elýaşyp, Matanýa, Matenaý, Ýagasaý;
38-42 Binnuýyň nesillerinden Şimgi, Şe-
lemýa, Natan, Adaýa, Maknadebaý,
Şaşaý, Şaraý, Azarel, Şelemýa, Şemarýa,
Şallum, Amarýa we Ýusup; 43 Nebonyň
nesillerinden Ýegiýel, Matytýa, Zabat,
Zebina, Ýadaý, Ýowel we Benaýa.

44 Bularyň hemmesi keseki milletler-
den aýal alypdylar. Käbirleriniň olardan
çagalary-da bardy.

# Nehemýa

## Giriş

Nehemýa Pars patyşasy Artakserksiň iň ýakyn emeldarlarynyň biri bolup, Suza galasynda ýaşaýardy. Günleriň birinde ol Iýerusalim şäherindäki ýagdaýlary bilmek üçin, şol şähere iberilýär. Nehemýa Iýerusalimiň weýran edilen diwarlaryny görende kalby gamlanýar. Ol halka baştutanlyk edip, Iýerusalimiň diwarlaryny dikeldýär. Şäheriň diwarlary dikeldilip, halk galada ornaşandan soň, Ezra mürze oňa dabaraly ýagdaýda Hudaýyň Kanunyny okap berýär. Halk özüniň günälerini boýun alyp, toba edýär. Kitap Nehemýanyň soňky bitiren işleriniň beýany bilen tamamlanýar.

### *Mazmuny*


Nehemýa Iýerusalime dolanyp gelýär ............ *1:1–2:20*
Iýerusalimiň diwarlary dikeldilýär ............ *3:1–7:73*
Hudaýyň Kanuny okalýar we ozal baglaşylan äht berkidilýär ..... *8:1–10:39*
Nehemýanyň soňky işleri ............ *11:1–13:31*


---

### 1-nji bap

#### *Nehemýa Iýerusalim hakda aladalanýar*

1 Hakalýanyň ogly Nehemýa, ine, şulary gürrüň berdi:
– Pars patyşasy Artakserksiň patyşalyk etmeginiň ýigriminji ýylynyň Kislew aýynda men Suza galasyndadym.
2 Doganlarymyň biri bolan Hanany birnäçe adam bilen Ýahudadan geldi. Men olardan ýesirlikden gutulyp, aman galan ýahudylar hakda we Iýerusalim hakda soradym.
3 Olar maňa: «Ýesirlikden gutulyp, aman galan ýahudylar uly betbagtçylykda; olar ile masgaradyrlar; Iýerusalimiň diwarlary ýumrulyp, onuň derwezeleri oda ýandy» diýip gürrüň berdiler.
4 Men bu zatlary eşidenimde, oturyp agladym we birnäçe günläp ýas tutdum. Agyz bekläp, gökdäki Hudaýdan dileg etdim.
5 Men şeýle diýdim:

«Eý, Gögüň Hudaýy Reb, beýik we haýbatly Hudaý! Sen Özüňi söýüp, tabşyryklaryňy berjaý edýänler bilen ähtiňi hem sadyk söýgiňi saklaýaň.
6 Guluň bolan meniň ysraýyl halkynyň Saňa garşy eden günäsini boýun alyp, gije-gündiz Saňa edýän dilegimi eşideriň ýaly, gulagyň eşitgir, gözüň ýiti bolsun. Menem, atalarymam günä etdik.
7 Biz Seniň guluň Musa beren tabşyryklaryňy, parzlaryňy,

hökümleriňi berjaý etmän, Seniň gar-
şyňa juda erbet iş etdik.
8-9 Guluň Musa: „Eger biwepalyk
etseňiz, sizi halklaryň arasyna pyt-
radaryn. Ýöne siz Maňa dolanyp,
tabşyryklarymy ýatda saklap, berjaý
etseňiz, siziň sürgün edilenleriňiz
ýeriň aýagujunda bolsa-da, Men olary
şol ýerden ýygnap, Öz adymyň mesgen
tutmagy üçin saýlan ýerime getirerin“
diýen sözleriňi ýada sal.
10 Olar Seniň beýik güýjüň, gudratyň
bilen halas eden Öz gullaryň we hal-
kyňdyr. 11 Ýa Reb, Öz guluňyň dilegine
we Saňa hormat goýýan gullaryňyň
dilegini eşit! Öz guluňyň işini şu gün
Özüň oňuna edip, patyşanyň maňa
rehimi iner ýaly et».

Men şol wagtlar patyşanyň sakysydym.

### 2-nji bap

*Nehemýa Iýerusalime gidýär*

1 Bu waka Artakserksiň patyşalygy-
nyň ýigriminji ýylynyň Nisan aýynda
bolupdy. Şerap getirilende, men ony
alyp patyşa uzatdym. Şu wagta çenli
onuň huzurynda meniň gussaly bolan
pursadym ýokdy. 2 Onsoň patyşa maňa:
«Syrkaw däl halyňa ne beýle ýüzüň sa-
lyk? Bu ýürek gussasyndan başga hiç zat
däldir» diýdi. Men juda gorkdum. 3 Men
patyşa şeýle jogap berdim: «Patyşa uzak
ýaşasyn! Atalarymyň mazarlary ýatan
şäheri haraba öwrülip, derwezeleri oda
ýanypdyr, onsoň nädip meniň ýüzüm
salyk bolmasyn?» 4 Patyşa menden: «Is-
legiň näme?» diýip sorady. Men Gögüň
Hudaýyndan dileg etdim. 5 Onsoň men
patyşa şeýle jogap berdim: «Eger pa-
tyşa oňlasa we men siziň nazaryňyzda
hormat gazanan bolsam, onda meni
Ýahuda, ata-babalarymyň mazarlary
ýatan şäheriň diwarlaryny dikeltmä-
ge goýber». 6 Patyşa (şa aýaly-da onuň
ýanynda otyrdy) menden näçe wagtlyk
gitjekdigimi we haçan dolanyp geljekdi-
gimi sorady. Men patyşa belli bir möhleti
aýdanymdan soň, ol meni goýbermäge
razy boldy. 7 Soňra men patyşa: «Eger
patyşa oňlasa, ol Ýahuda barýançam
meni geçirerleri ýaly, menden Ýewfrat
derýasynyň günbataryndaky welaýatyň
häkimlerine hatlar iberilsin. 8 Şeýle hem
patyşa tokaýynyň sakçysy Asafa, yba-
dathana galasynyň derwezeleri üçin,
şäheriň diwarlary we meniň ýaşajak
öýümiň pürsleri üçin agaç berer ýaly hat
bersin» diýdim. Hudaýymyň ýalkama-
gy bilen patyşa meniň dilegimi bitirdi.
9 Patyşa meniň ýanym bilen goşun
serkerdelerini, atlylar ýollady. Onsoň
men Ýewfrat derýasynyň günbataryn-
daky welaýatyň häkimleriniň ýanyna
baryp, olara patyşanyň hatlaryny berdim.
10 Emma horonly Sanballat we Ammon
welaýatynyň wekili Tobyýa bir adamyň
ysraýyl halkynyň bähbidini arap ge-
lendigini eşidenlerinde, gahar-gazaba
mündüler.
11 Men Iýerusalime gelip, ol ýerde üç
gün boldum. 12 Soňra gije turup, ýany-
ma birnäçe adam aldym. Iýerusalim
hakynda Hudaýymyň kalbyma näme
salandygyny hiç kime aýtmadym. Ýa-
nymda münüp barýan eşegimden başga
mal ýokdy. 13 Men gije Dere derweze-
sinden çykdym. Şagal çeşmesiniň ýany
bilen Dökün derwezesine çenli gidip,
Iýerusalimiň ýykylan diwarlaryny, oda
ýanan derwezelerini gözden geçirdim.
14 Soňra men Bulak derwezesine we Pa-
tyşa howzuna gitdim. Emma ol ýerde
eşegim geçer ýaly ýer ýokdy. 15 Onsoň
men gije deräniň içi bilen ýokaryk galyp,

diwary gözden geçirdim. Soňra men
yzyma dolanyp, Dere derwezesinden
yzyma dolandym. 16 Şäher baştutanlary
meniň nirä gidenimi we näme edenimi
bilmediler. Men entek ýahudylara, ruha-
nylara, beglere, şäher baştutanlaryna we
işi ýerine ýetirmäge gatnaşjak beýleki
adamlara hiç zat aýtmandym.

17 Soňra men olara: «Iýerusalimiň ha-
raba öwrülip, onuň derwezeleriniň oda
ýanandygy zerarly biziň nähili ejir çek-
ýändigimizi siziň özüňiz görüp dursuňyz.
Mundan artyk wejera bolup ýörmezlik
üçin, geliň, Iýerusalimiň diwaryny dikel-
deliň!» diýdim. 18 Men olara Hudaýymyň
maňa nähili kömek edendigini we patyşa-
nyň maňa aýdan zatlaryny gürrüň berdim.
Onsoň olar: «Geliň, işe başlalyň!» diýşip,
bu oňat iş üçin billerini berk guşady-
lar. 19 Emma horonly Sanballat, ammon
emeldary Tobyýa we Geşem arap dagy
muny eşidenlerinde, bizi äsgermezlik
edip, biziň üstümizden gülüp: «Bu etjek
bolýan zadyňyz näme? Patyşanyň garşy-
syna pitne turuzmakçy bolýarmysyňyz?»
diýdiler. 20 Onsoň men olara: «Gögüň Hu-
daýy işimizi oňuna salar. Onuň gullary
bolan biz gurluşyk işine başlarys. Emma
siziň welin, Iýerusalimde ne paýyňyz,
ne-de hak-hukuklaryňyz bar» diýip jo-
gap berdim.

### 3-nji bap

### *Iýerusalimiň diwarlary täzeden gurulýar*

1 Onsoň baş ruhany Elýaşyp we onuň
ruhany doganlary Goýun derwezesini
täzeden gurup, onuň gapylaryny oturt-
dylar. Onsoň olar diwary Ýüzler diňine
we Hananel diňine çenli gurup, ony
hem Hudaýa bagyş etdiler. 2 Elýaşyň
gapdalynda Ýerihonyň halky gurýardy.
Olaryň gapdalynda bolsa Imriniň ogly
Zakur gurýardy. 3 Hasenanyň ogullary
Balyk derwezesini bina etdiler. Olar
onuň pürslerini goýup, derwezäniň ga-
pylaryny ýerine oturdyp, nurbatlaryny
we kiltlerini dakdylar. 4 Olaryň gapda-
lyndaky diwar bölümini Hakosyň agtygy,
Uryýanyň ogly Meremot dikeltdi. Olaryň
gapdalyndaky diwar bölegini Meşezabe-
liň agtygy, Berekýanyň ogly Meşullam
dikeltdi. Olaryň gapdalyndaky diwar
bölegini bolsa Bagananyň ogly Sadok
dikeltdi. 5 Olaryň gapdalyndaky diwar
bölegini tekowalylar dikeltdiler. Ýöne
olaryň begleri baştutanlary tarapyndan
bellenen işi etmekden ýüz öwürdiler.

6 Paseýanyň ogly Ýoýada bilen Besod-
ýanyň ogly Meşullam Köne derwezäni
dikeltdi. Olar pürsleri goýup, derwezäniň
gapylaryny ýerine oturdyp, onuň nurbat-
laryny we kiltlerini dakdylar. 7 Olaryň
gapdalyndaky diwar bölegini gibgonly
Melatýa bilen meronotly Ýadon Ýewfrat
derýasynyň günbataryndaky welaýatyň
hökümdarynyň golastyndaky Gibgonyň
we Mispanyň ýaşaýjylary bilen bile di-
keltdiler. 8 Olaryň gapdalyndaky diwar
bölegini zergärlerden Harhaýanyň ogly
Uzyýel dikeltdi. Onuň gapdalynda bolsa
atyr ýasaýjylardan bolan Hananýa diwary
dikeltdi. Olar Iýerusalimi tä Giň diwara
çenli berkitdiler. 9 Olaryň gapdalyndaky
diwar bölegini Iýerusalimiň etrabynyň
ýarysynyň häkimi Huruň ogly Repaýa
dikeltdi. 10 Olaryň gapdalynda Haruma-
pyň ogly Ýedaýa öz öýüniň garşysyndaky
diwar bölegini dikeltdi. Onuň gapdalyn-
daky diwar bölegini Haşabneýanyň ogly
Hatuş dikeltdi. 11 Harymyň ogly Malkyýa
bilen Pahatmowabyň ogly Haşup diwa-
ryň başga bir bölegini we Tamdyrlar
diňini dikeltdiler. 12 Onuň gapdalyndaky
diwar bölegini Iýerusalim etrabynyň

galan ýarysynyň häkimi Halloheşiň ogly
Şallum we onuň gyzlary dikeltdiler.
13 Hanun we zanowalylar Dere derwe-
zesini dikeldip, onuň gapylaryny oturdyp,
nurbatlaryny we kiltlerini dakdylar. Olar
Dökün derwezesine çenli diwaryň müň
tirsek aralygyny dikeltdiler. 14 Beýtha-
kerem etrabynyň häkimi Rekabyň ogly
Malkyýa Dökün derwezesini dikeltdi.
Ol derwezäni täzeden bina edip, onuň
gapylaryny oturtdy we nurbatlaryny,
kiltlerini dakdy.
15 Mispa etrabynyň häkimi Kolho-
zeniň ogly Şallum Bulak derwezesini
dikeltdi. Ol derwezäni täzeden bina
edip, onuň üstüni basyrdy, gapylaryny
ýerine oturdyp, onuň nurbatlaryny we
kiltlerini dakdy. Şeýle hem ol patyşa
bagynyň ýanyndaky Şela howzunyň
diwaryny tä Dawut şäherinden aşak
inýän basgançaklara barýança gurdy.
16 Şallumdan soň Beýtsur etrabynyň ýa-
rysynyň häkimi Azbugyň ogly Nehemýa
Dawut gonamçylygynyň garşysyndan tä
emeli howza we edermen urşujylaryň
öýüne çenli bolan diwary dikeltdi.
17 Onuň gapdalyndaky diwar bölegini
lewiler dikeltdiler: Banynyň ogly Rehum
onuň gapdalyndaky diwary dikeltdi;
Kegila etrabynyň ýarysynyň häkimi
Haşabýa öz etraby üçin bir diwar böle-
gini dikeltdi. 18 Onuň gapdalynda olaryň
garyndaşlary, Kegila etrabynyň ýarysy-
nyň häkimi Henadadyň ogly Binnuý[a]
beýleki diwar bölegini dikeltdi. 19 Bin-
nuýyň gapdalynda diwaryň öwrülýän
ýerinden gorhana uçudynyň gabadynda
bolan diwaryň binýat diregini Mispanyň
häkimi Ýeşuwanyň ogly Ezer dikeltdi.
20 Ezerden soň diwaryň öwrülýän ýe-
rinden, baş ruhany Elýaşybyň öýüniň
gapysyna çenli diwary Zakaýyň ogly Ba-
ruk dikeltdi. 21 Barukdan soň Elýaşybyň
öýüniň gapysyndan tä öýüň gutarýan
ýerine çenli aralykdaky diwary Hakosyň
agtygy, Uryýanyň ogly Meremot dikeltdi.
22 Meremotdan soň Iýerusalimiň töwe-
rek-daşyndaky ýerlerden gelen ruhanylar
diwaryň bir bölegini dikeltdiler. 23 Olaryň
gapdalynda Benýamin bilen Haşup öz
öýleriniň gabadyndaky diwar bölegini
dikeltdiler. Olaryň gapdalynda Ananýa-
nyň agtygy, Magaseýanyň ogly Azarýa
öz öýüniň ýanyndaky diwar bölegini
dikeltdi. 24 Onuň gapdalynda Henada-
dyň ogly Binnuý Azarýanyň öýünden
diwaryň öwrümine – burça çenli bolan
diwar bölegini dikeltdi. 25-26 Uzaýyň ogly
Palal diwar öwrüminiň garşysyny we
garawulhana howlusynyň ýanyndaky
ýokarky köşgüň diňini dikeltdi. Onuň
gapdalynda Paroşyň ogly Pedaýa bilen
Ofelde ýaşaýan ybadathana hyzmat-
kärleri gündogarda Suw derwezesiniň
gabadyna we garawul diňine çenli
aralykdaky diwar bölegini dikeltdiler.
27 Onsoň tekowalylar beýik gorag diňiniň
garşysyndaky Ofel diwaryna çenli bolan
aralygy dikeltdiler. 28 Ruhanylar At der-
wezesinden başlap, demirgazyga tarap
hersi öz öyleriniň gabadyndaky diwary
dikeltdiler. 29 Olaryň gapdalynda Imme-
riň ogly Sadok öz öýüniň gabadyndaky
diwar bölegini dikeltdi. Onuň gapda-
lynda Gündogar derwezesini saklaýan
Şekanýanyň ogly Şemagýa bir diwar
bölegini dikeltdi. 30 Onuň gapdalynda-
ky diwar bölümini Şelemýanyň ogly
Hananýa bilen Salapyň altynjy ogly
Hanun dikeltdiler. Olaryň gapdalynda
Berekýanyň ogly Meşullam öz öýüniň
gabadyndaky diwar bölegini dikeltdi.

[a] **3:18** ***Binnuý*** – käbir golýazmalarda *Bawaý*. Seret: Neh 3:24.

31 Onuň gapdalyndaky diwar bölümini
zergärlerden bolan Malkyýa Gözden
geçiriş derwezesiniň garşysynda bolan
ybadathana hyzmatkärleriniň hem-de
täjirleriň öýüne çenli bolan aralygy we
burçdaky ýokarky otaga çenli bolan
aralygy dikeltdi. 32 Burçda ýerleşen ýo-
karky otag bilen Goýun derwezesiniň
aralygyndaky diwar bölegini zergärler
bilen täjirler dikeltdiler.

## 4-nji bap

### *Nehemýa işe päsgel berýänlerden üstün çykýar*

1 Sanballat biziň diwary örüp ýöreni-
mizi eşidende, gaty gaharlandy. Ol gazap
donuny geýip, ýahudylaryň üstünden
gülmäge başlady. 2 Sanballat öz ýaranla-
rynyň we Samariýa goşunynyň öňünde
şeýle diýdi: «Bu bolgusyz ýahudylar
näme edip ýörler? Olar hemme zady
täzeden guraýjaklarmyka? Ýa-da gur-
banlyk berjekmikäler? Olar işi bir günüň
içinde tamamlarys öýdýärmikäler? Olar
zir-zibil üýşmeginden alnan we ýanan
daşlardan diwar galdyraýjaklarmyka?»
3 Onuň ýanyndaky ammonly Tobyýa
şeýle diýdi: «Olaryň gurýan daş diwa-
rynyň üstüne tilki münse-de ýykylar!»
4 Eý, Hudaýymyz, olaryň bizi nähili
masgaralaýandyklaryny eşit! Bize atýan
myjabatlaryny öz başlaryndan inderip,
olary ýat ülkede, ýesirlikde talaňa ber!
5 Olaryň ýazyklarynyň üstüni basyrma,
günälerini nazaryňdan sypdyrma, çünki
olar biziň – gurluşykçylaryň göwnüne
degdiler. 6 Muňa garamazdan biz diwary
täzeden gurduk; tutuş diwar birikdirilip,
onuň beýikligi ýarysyna ýetirildi, çünki
halk işlemegi ýüregine düwdi.

7 Emma Sanballatdyr Tobyýa, araplar-
dyr ammonlar we aşdotlylar Iýerusalim
diwarlarynyň gurluşygynyň üstünlikli
amala aşyrylýandygyny, diwar gädikleri-
niň bitirilip barýandygyny eşidenlerinde,
gaty gaharlandylar. 8 Onsoň olaryň hem-
mesi gelip, Iýerusalime garşy uruşmak
we onda aljyraňňylyk döretmek üçin dil
düwüşdiler. 9 Onsoň biz öz Hudaýymyza
dileg etdik we olardan goranmak üçin,
gije-gündiz garawul goýduk. 10 Emma
ýahudalar: «Ýük daşaýanlar güýçden
gaçýar, ýykyk-ýumruklar bolsa gaty köp;
şonuň üçinem biz diwary örüp bilmeris»
diýişýärdiler. 11 Duşmanlarymyz hem:
«Üstlerine baranymyzy duýmankalar,
biz olary öldürip, işi togtadarys» diý-
ýärmişler. 12 Olaryň ýanynda ýaşaýan
ýahudylar gelip, bize: «Duşmanlarymyz
çar tarapdan bize hüjüm etjekler» diýip,
gaýta-gaýta aýtdylar. 13 Şonuň üçin men
diwaryň pes ýerleriniň aňyrsyndaky
açyk meýdanda halky uruglary boýunça,
gylyçlary, naýzalary we ýaýlary bilen
duruzdym. 14 Onsoň men beglere, baştu-
tanlara we beýleki duranlara birlaý göz
aýlap, şeýle diýdim: «Olardan gorkmaň!
Beýik we haýbatly Rebbi ýatlaň! Garyn-
daşlaryňyz, ogullaryňyz, gyzlaryňyz,
aýallaryňyz we öýleriňiz üçin söweşiň!»

15 Duşmanlarymyz olaryň niýetleriniň
bize aýandygyny we Hudaýyň olaryň
niýetlerini başa bardyrmanlygyny eşi-
denlerinde, biziň hemmämiz diwar
gurmaga, herimiz öz işli-işimize gaýdyp
bardyk. 16-17 Şol günden başlap, meniň
adamlarymyň ýarysy diwar gurluşygyn-
da işledi; beýleki ýarysy-da naýzalary,
galkanlary, ýaýlary we sowutlary bilen
goragda durdular. Baştutanlar hem diwar
gurýan ýahudalary göz astynda saklady-
lar. Ýük daşaýanlar bir elleri bilen işläp,
beýleki ellerinde ýarag tutdular. 18 Gurlu-
şykçylaryň hemmesiniň işleýärkäler-de
billeri gylyçlydy. Surnaýçy bolsa meniň

ýanymda durdy. 19Men beglere, baştutan-
lara we halkyň galanyna: «Iş köp we onuň
gerimi giň, diwaryň üstünde biz dagynyk
we biri-birimizden uzak. 20Şonuň üçin siz
surnaý sesini eşiden badyňyza biziň ýa-
nymyza ýygnanyşyň. Hudaýymyz biziň
üçin söweşer» diýdim. 21Şeýdip, biz her
gün daň atandan Gün batýança işledik,
adamlaryň ýarysy naýzalar göterdi. 22Şol
wagt men ýene-de halka ýüzlenip: «Gije
bizi gorap, gündizem işlär ýaly, goý, her
kim öz hyzmatkäri bilen Iýerusalimde gi-
je ýatymlyk galsyn» diýdim. 23Şeýdip, ne
men, ne garyndaşlarym, ne hyzmatkärle-
rim, ne-de yzymdaky janpenalarym – hiç
birimiz eşigimizi çykarmadyk. Ýaragla-
rymyz hem sag elimizdedi[a].

## 5-nji bap

### *Nehemýa garyplara kömek edýär*

1Biraz wagt geçensoň, birtopar adam
we olaryň aýallary öz ýahudy doganla-
ryndan ýaňa ahy-nala etdiler. 2Käbirleri:
«Ogullarymyz we gyzlarymyz bilen biz
köplükdiris; diri galarymyz ýaly, bize
galla berilsin» diýýärdiler. 3Käbirleri-
de: «Biz açlyk zerarly galla aljak bolup,
ýerimizi, öýümizi, üzümçiligimizi gire-
we goýduk» diýýärdiler. 4Olaryň: «Biz
patyşanyň ekin ýerimize, üzümçiligi-
mize salýan salgydyny tölemek üçin,
pul karz aldyk. 5Biziň süňňümizem,
aslymyzam beýleki ýahudalaryňky bilen
birdir. Çagalarymyzam şolaryň çaga-
syndan kem däl. Muňa garamazdan, biz
ogullarymyzy, gyzlarymyzy gulçulyga
bermeli bolýarys. Gyzlarymyzyň-a eý-
ýäm gyrnak bolanlary-da bar. Emma
biziň etjek alajymyz ýok, sebäbi ekin
ýerimizem, üzümçiligimizem başga
adamlaryň elinde» diýýänleri-de bardy.
6Olaryň dady-perýatlaryny we arz-
-şikaýatlaryny eşidenimde, meniň gaty
gaharym geldi. 7Bu zatlar hakda oýlanyp,
beglere hem baştutanlara käýedim. Men
olara: «Siziň her biriňiz öz halkyňy-
za göterimine pul berýärsiňiz» diýdim.
Onsoň olaryň garşysyna uly jemagaty
ýygnap, şeýle diýdim: 8«Biz ýagdaýymy-
zyň çatdygyndan, başga milletlere satylan
öz ýahudy doganlarymyzy yzyna satyn
aldyk. Emma siz hatda öz garyndaşlary-
ňyzy-da gulçulyga satýarsyňyz; soň biz
olary yzyna satyn almaly bolýarys!» Olar
dymyp, diýere söz tapmadylar. 9Onsoň
men: «Siziň bu edýän işiňiz gowy däl. Bi-
ze duşman bolan milletleriň gyjalatyndan
gutulmak üçin, Hudaýymyzyň gorkusyn-
da gezmeli dälmisiňiz?» diýdim. 10Munuň
üstesine-de, men, meniň doganlarym we
meniň hyzmatkärlerim hem olara pul we
galla karz berýäris. Geliň, şu göterimi-
ne zat bermegi bes edeliň. 11Şu günüň
özünde olaryň ekin ýerlerini, üzümçili-
gini, zeýtun baglaryny, öýlerini, puldan,
bugdaýdan, şerapdan we ýagdan alan
göterimiňizi olara yzyna gaýdyp beriň.
12Şonda olar: «Biz edil seniň aýdyşyň ýaly
ederis. Bularyň hemmesini yzyna bereris
we olardan hiç zat talap etmeris» diýdi-
ler. Onsoň men ruhanylary çagyryp, ähli
ýolbaşçylara beren sözlerini berjaý etjek-
diklerine ruhanylaryň öňünde ant içirdim.
13Men donumyň syýyny silkip: «Eger-de
kim şu beren sözünden dänse, Hudaý ony
edil don syýynyň silkilip boşadylyşy ýaly
öýünden, işinden mahrum etsin. Olar ähli
zadyndan jyda düşsün» diýdim. Bütin
jemagat hem muny makullap: «Omyn!»

---

[a] **4:23 *Ýaraglarymyz hem sag elimizdedi*** – ýa-da *Suw almaga gidende-de, her kimiň ýa-ragy elindedi.*

diýşip, Rebbe alkyş aýtdylar. Halk beren
wadasyny ýerine ýetirdi.

### *Nehemýanyň sahylygy*

14Ýahuda ýurduna häkimlige bellenen
günümden, ýagny Artakserks patyşanyň
ýigriminji ýylyndan otuz ikinji ýyly-
na çenli – on iki ýyllap men-de, meniň
doganlarym-da häkime mahsus nahar-
lanmadyk. 15Menden öňki bolan häkimler
welin halkyň boýnuna agyr ýük bolup,
olar ilatdan bir gadak[a] kümüşden da-
şary azyk, şerap alýan ekenler. Olaryň
hatda hyzmatkärleri-de halkyň üstün-
den höküm sürýän ekenler. Emma men
Hudaýdan gorkýandygym üçin beýle iş
etmedim. 16Men ähli güýjümi diwaryň
gurluşygyna sarp etdim. Özümize ýe-
rem talap etmedim. Hyzmatkärlerimiň
hemmesi-de iş üstünde boldular. 17Saça-
gymyň başynda bize özge milletlerden
gelenlerden başga-da, ýahudylardan we
olaryň baştutanlarynda ybarat ýüz elli
adam naharlanardy. 18Her gün nahar
üçin bir öküz bilen alty sany semiz go-
ýun soýlardy. Şeýle hem maňa towuklar
bişirilip, her on günden dürli şeraplar
boldan-bol getirilerdi. Emma men hal-
kyň nähili agyr güzeran görýändigini
bilýärdim, şonuň üçinem men häkime
berilmeli azyk möçberini talap etmedim.
19Eý, Hudaýym, bu halka eden ähli hyz-
matlarym üçin meni ýagşylykda ýatla!

## 6-njy bap

### *Nehemýanyň garşysyna guralan dildüwşükler*

1-2Sanballat, Tobyýa, Geşem arap we
beýleki duşmanlarymyz meniň diwary
gurup gutardandygymy, onda ýekeje
gädigiň hem galmandygyny (derwe-
zeler entek ýerine oturdylmadyk hem
bolsa) eşidenlerinde, Sanballat bilen
Geşem meniň ýanyma adam iberip:
«Gel, Ono düzlügindäki bir obada du-
şuşaly» diýdiler. Olar maňa kast etmegi
ýüreklerine düwüpdiler. 3Men hem olara
çapar ýollap: «Men bu wagt gaty wajyp
iş bilen meşgul, şonuň üçin baryp bil-
jek däl. Onsoňam men siziň ýanyňyza
baryp gelýänçäm, näme iş dursunmy?»
diýdim. 4Şeýle habar bilen olar meniň
ýanyma dört gezek çapar ýolladylar. Men
hem olary her gezek şol bir jogap bilen
gaýtardym. 5Bäşinji gezek Sanballat öz
hyzmatkäriniň eline açyk hat berip, ony
meniň ýanyma iberdi. 6Ol hatda şeýle
ýazylandy: «Milletler arasynda şeýle
gürrüň bar, muny Geşem hem tassyk-
laýar. Sen we ýahudylar pitne turuzjak
bolýarmyşyňyz. Diwary-da şonuň üçin
gurup ýörmüşiňiz. Aýdyşlaryna görä,
sen olara patyşa bolmalymyşyň. 7„Ýahu-
danyň patyşasy bar“ diýip, özüň hakda
Iýerusalimde wagyz etdirmek üçin py-
gamberler hem belläpsiň. Aýdyşlaryna
görä, bu zatlaryň hemmesini patyşa
habar berjekmişler. Şonuň üçinem, gel,
bile maslahat edeli». 8Onsoň men onuň
ýanyna adam iberip: «Seniň bu diýýän
zatlaryň hiç biri-de edilenok. Bularyň
ählisi seniň öz toslamaň» diýdim. 9Çünki
olaryň hemmesi bizi gorkuzmak isleýär-
diler we: «Elleri işden sowap, iş togtar»
diýip pikir edýärdiler. Şonuň üçinem
men işi dowam etmek üçin Hudaýdan
güýç-kuwwat diledim.
10Onsoň men öýünden çykman otu-
ran Meheýtabeliň agtygy, Delaýanyň
ogly Şemagýanyň öýüne geldim. Ol

[a] **5:15** ***Bir gadak*** – ýewreýçe *kyrk şekel*. Bu takm. 500 gr deňdir.

maňa: «Gel, ikimiz Hudaýyň öýün-
de, içki otagda duşuşaly. Içki otagyň
gapylarynam ýapaly, çünki olar seni
öldürmäge gelerler. Olar hökman şu gije
seni öldürmäge gelerler» diýdi. [11] Emma
men: «Meniň ýaly adam gaçarmy? Heý-
de meniň ýaly adam diri galmak üçin
içki otagda gizlenermi? Ýok, men içki
otaga girjek däl!» diýdim. [12] Şemagýany
Hudaýyň ibermändigine göz ýetirdim.
Ol hamala bir pygamber hökmünde ma-
ňa şu zatlary diýdi, sebäbi Tobyýa bilen
Sanballat ony hakyna tutupdylar. [13] Ol
meni gorkuzyp, meniň şeýle hereket
edip, günä gazanmagyma itergi bermek
maksady bilen hakyna tutulypdy. Men
şeýle edäýen bolsam, olar meni biabraý
edip kemsidip biljekdiler.
[14] Eý, Hudaýym, Tobyýa bilen San-
ballatyň bu eden işlerini unutma, şeýle
hem, pygamber aýal Nogadýa bilen meni
gorkuzmak islän beýleki pygamberleriň
edenlerini hem unutma!

### *Diwar gurluşygy tamamlanýar*

[15] Elli iki günden soň, Elul aýynyň
ýigrimi bäşi güni [a] diwar gurluşygy
tamamlandy. [16] Biziň duşmanlarymy-
zyň we töweregimizdäki milletleriň
ählisi muny eşidenlerinde, gaty gorkup,
muny özlerine kemlik bildiler. Sebäbi
olar bu işiň Hudaýymyzyň kömegi bilen
edilendigine göz ýetirdiler. [17] Mundan
başga-da, şol günler Ýahudanyň begleri
Tobyýa köp hat ýolladylar. Tobyýanyň
hatlary hem olara geldi. [18] Ýahudada
köp adam Tobyýa bilen kasam edişipdi,
çünki Tobyýa Aranyň ogly Şekanýanyň
giýewsidi. Onuň ogly Ýehohanan hem
Berekýanyň ogly Meşullamyň gyzyna
öýlenipdi. [19] Şeýle hem olar meniň ýa-
nymda onuň ýagşy işleri hakda gürrüň
etdiler. Meniň diýýän sözlerimi hem oňa
ýetirdiler. Tobyýa-da meni gorkuzjak
bolup, maňa hatlar ýollady.

## 7-nji bap

[1] Ine, diwar örülip, gapylar ýerine
oturdyldy, derwezebanlar, aýdymçylar,
lewiler bellendi. [2] Onsoň men doganym
Hanany bilen galanyň serkerdesi Hanan-
ýany Iýerusalime häkim edip belledim.
Çünki ol ynamdar adam bolup, köplere
garanda, Hudaýdan has gaty gorkýardy.
[3] Men olara şeýle tabşyryk berdim: «Gün
gyzýança, Iýerusalimiň derwezeleri
açylmasyn. Gün ýaşan çagy, entek der-
wezebanlar nobatçylykdan gitmänkäler,
gapylary gulplasynlar. Iýerusalimiň ila-
tyndan garawullar goýuň; olaryň käbiri
öz goramaly ýerlerinde we beýlekileri
bolsa öz öýleriniň öňünde bolsunlar».

### *Sürgünden gaýdyp gelenleriň sanawy*
*(Ezra 2:1-70)*

[4] Şäher giň hem uludy, emma onuň
içindäki ilat welin azdy, jaýlar salyn-
mandy. [5] Onsoň nesilleri boýunça hasaba
almak üçin begleri, baştutanlary we
halky üýşürmegi Hudaýym ýüregime
saldy. Men ýesirlikden ilkinji dolanyp
gelenleriň nesilleri bilen geçirilen ilat
ýazuwyny gözläp tapdym. Onda şular
ýazylandy: [6] Babyl patyşasy Nebukad-
nesar tarapyndan ýesir alnyp, Babyla
sürgün edilenleriň nesillerinden Iýeru-
salimdäki we Ýahudadaky öz galalaryna
gaýdyp gelenleri, ine, şulardy: [7] Ze-
rubabyl, Ýeşuwa, Nehemýa, Azarýa,

[a] **6:15** ***Elul aýynyň ýigrimi bäşi güni*** – bu 2-nji oktýabrdyr.

Ragamýa, Nahamany, Mordekaý, Bilşan,
Misperet, Bigwaý, Nehum we Bagana
dagy bilen geldiler.

Ysraýyl halkynyň erkek adamlary-
nyň sany: [8]Paroşyň nesilleri: iki müň
bir ýüz ýetmiş iki adam; [9]Şepatýanyň
nesilleri: üç ýüz ýetmiş iki adam; [10]Ara-
nyň nesilleri: alty ýüz elli iki adam;
[11]Ýeşuwanyň we Ýowabyň neslinden –
Pahatmowabyň nesilleri: iki müň sekiz
ýüz on sekiz adam; [12]Eýlamyň nesilleri:
bir müň iki ýüz elli dört adam; [13]Zatu-
nyň nesilleri: sekiz ýüz kyrk bäş adam;
[14]Zakaýyň nesilleri: ýedi ýüz altmyş
adam; [15]Binnuýyň nesilleri: alty ýüz
kyrk sekiz adam; [16]Bebaýyň nesilleri:
alty ýüz ýigrimi sekiz adam; [17]Azga-
dyň nesilleri: iki müň üç ýüz ýigrimi
iki adam; [18]Adonykamyň nesilleri: al-
ty ýüz altmyş ýedi adam; [19]Bigwaýyň
nesilleri: iki müň altmyş ýedi adam;
[20]Adiniň nesilleri: alty ýüz altmyş bäş
adam; [21]Ateriň, ýagny Hizkiýanyň ne-
silleri: togsan sekiz adam; [22]Haşumyň
nesilleri: üç ýüz ýigrimi sekiz adam;
[23]Bezaýyň nesilleri: üç ýüz ýigrimi dört
adam; [24]Harybyň nesilleri: bir ýüz on
iki adam; [25]Gibgonyň nesilleri: togsan
bäş adam; [26]Beýtullahamyň we Neto-
panyň ýaşaýjylary: bir ýüz segsen sekiz
adam; [27]Anatodyň ýaşaýjylary: bir ýüz
ýigrimi sekiz adam; [28]Beýtazmawediň
ýaşaýjylary: kyrk iki adam; [29]Kirýat-
ýegarymyň, Kepiranyň we Beýerodyň
ýaşaýjylary: ýedi ýüz kyrk üç adam;
[30]Ramanyň we Gebanyň ýaşaýjylary:
alty ýüz ýigrimi bir adam; [31]Mikmaşyň
ýaşaýjylary: bir ýüz ýigrimi iki adam;
[32]Beýteliň we Aýyň ýaşaýjylary: bir ýüz
ýigrimi üç adam; [33]Beýleki Nebonyň
ýaşaýjylary: elli iki adam; [34]Beýleki
Eýlamyň nesilleri: bir müň iki ýüz elli
dört adam; [35]Harymyň nesilleri: üç ýüz
ýigrimi adam; [36]Ýerihonyň nesilleri: üç
ýüz kyrk bäş adam; [37]Loduň, Hadydyň
we Ononyň nesilleri: ýedi ýüz ýigrimi
bir adam; [38]Senanyň nesilleri: üç müň
dokuz ýüz otuz adam.

[39]Ruhanylar: Ýeşuwanyň kowumyn-
dan Ýedaýanyň nesilleri: jemi dokuz ýüz
ýetmiş üç adam; [40]Immeriň nesilleri: bir
müň elli iki adam; [41]Paşhuryň nesilleri:
bir müň iki ýüz kyrk ýedi adam; [42]Ha-
rymyň nesilleri: bir müň on ýedi adam;
[43]lewiler: Hodawýanyň nesilleri, ýagny
Ýeşuwanyň we Kadmyýeliň nesilleri:
ýetmiş dört adam; [44]aýdymçylar: Asa-
fyň nesilleri bir ýüz kyrk sekiz adam;
[45]derwezebanlar: Şallumyň, Ateriň,
Talmonyň, Akubyň, Hatytanyň, Şoba-
ýyň nesilleri: bir ýüz otuz sekiz adam;
[46]ybadathana hyzmatkärleri: Sihanyň,
Hasupanyň, Tabagotyň, [47]Keýrosyň,
Siganyň, Padonyň, [48]Lebananyň, Haga-
banyň, Şalmaýyň, [49]Hananyň, Gidolyň,
Geharyň, [50]Reýaýanyň, Resiniň, Neko-
danyň, [51]Gazamyň, Uzanyň, Paseýanyň,
[52]Besaýyň, Megunymyň, Nepusymyň,
[53]Bakbugyň, Hakupanyň, Harhuryň,
[54]Baslutyň, Mehidanyň, Harşanyň,
[55]Barkosyň, Siseranyň, Temanyň,
[56]Nesiýanyň, Hatypanyň nesilleri;
[57]Süleýmanyň hyzmatkärleriniň nesil-
lerinden: Sotaýyň, Soperetiň, Peridanyň,
[58]Ýaglanyň, Darkonyň, Gidolyň, [59]Şepat-
ýanyň, Hatylyň, Pokeret Hasebaýymyň
we Amonyň nesilleri. [60]Ähli ybadathana
hyzmatkärleriniň we Süleýmanyň hyz-
matkärleriniň nesilleriniň jemi üç ýüz
togsan iki adam boldy.

[61]Telmeladan, Telharşadan, Kerupdan,
Adondan we Immerden çykanlar, ýöne
öz uruglaryny, öz aslyny ýa-da özle-
riniň Ysraýyla degişlidiklerini subut
edip bilmedikler şulardy: [62]Delaýanyň,
Tobyýanyň we Nekodanyň nesilleri:

alty ýüz kyrk iki adam; [63]şeýle hem
ruhanylardan: Hobaýanyň nesilleri, Ha-
kosyň nesilleri we gilgatly Barzyllaýyň
gyzlaryndan aýal alyp, olaryň ady bilen
atlandyrylan Barzyllaýyň nesilleri. [64]Bu-
lar öz ýazgylaryny nesilleri boýunça
hasaba alnanlaryň arasyndan gözle-
diler, emma tapyp bilmediler. Şonuň
üçinem olar galp ruhanylar hökmünde
ruhanylykdan çykaryldylar. [65]Häkim
olara Urymy we Tummymy [a] ulanyp
bilýän ruhany tapylýança, iň mukaddes
nahardan iýmezligi tabşyrdy. [66-67]Ýedi
müň üç ýüz otuz ýedi aýaldyr erkek
hyzmatkärleri hem-de iki ýüz kyrk bäş
erkek we aýal aýdymçylary hasap etmä-
niňde, ähli halkyň sany kyrk iki müň
üç ýüz altmyşdy. [68-69]Olaryň dört ýüz
otuz bäş düýesi we alty müň ýedi ýüz
ýigrimi sany-da eşegi bardy. [70]Käbir
urugbaşylar iş üçin peşgeşler berdiler.
Häkim hazyna ýigrimi gadak [b] töwe-
regi altyn, elli legen, bäş ýüz otuz laý
ruhany eşigini berdi. [71]Käbir urugba-
şylar bolsa gurluşyk gaznasyna sekiz
ýarym batman [ç] töweregi altyn, altmyş
bäş batman [d] kümüş berdiler. [72]Halkyň
galan böleginiň beren zatlary, sekiz
ýarym batman töweregi altyn, elli se-
kiz batman [e] kümüş we altmyş ýedi laý
ruhany eşiginden ybarat boldy.

[73]Ruhanylar, lewiler, halkyň käbiri,
ybadathana derwezebanlary, aýdym-
çylary, hyzmatkärleri we bütin ysraýyl
halky öz galalarynda ornaşdylar.

Ýedinji aý gelende, ysraýyllaryň hem-
mesi öz galalaryndadylar.

### 8-nji bap

***Ezra halka kanuny okap berýär***

[1]Ähli halk edil bir adam ýaly bolup,
Suw derwezesiniň öňündäki meýdança
ýygnandy. Onsoň olar ruhany we mürze
Ezradan Reb tarapyndan Ysraýyla ber-
len Musanyň Töwradyny getirmegini
soradylar. [2]Şeýdip, ýedinji aýyň birinji
güni [ä] Ezra Töwradyny halkyň öňüne
getirdi. Diňläp, erkeklerdir aýallaryň we
beýleki düşünip biljekleriň hemmesi ol
ýerdedi. [3]Onsoň ol Suw derwezesiniň
öňündäki meýdançada erkekleriň we
aýallaryň we beýleki düşünip biljekleriň
öňünde ir ertirden günortana çenli ony
okady. Bütin halk Töwrady üns berip
diňledi. [4]Mürze Ezra ýörite şu maksat
üçin gurlan agaç sekiniň üstünde durdy.
Onuň sag gapdalynda Matytýa, Şema,
Anaýa, Uryýa, Hilkiýa we Magaseýa,
çep gapdalynda bolsa Pedaýa, Mişaýyl,
Malkyýa, Haşum, Haşbadana, Zakarýa
we Meşullam dagy durdular. [5]Ezra bütin
halkyň gözüniň alnynda kitaby açdy. Ol
hemmeden ýokarda durdy. Ol kitaby
açanda, bütin halk ör turdy. [6]Onsoň Ezra
Beýik Hudaý Rebbe alkyş aýtdy. Ähli
jemagat elini ýokary galdyryp: «Omyn.
Omyn» diýip jogap berdi. Soňra olar
ýüzlerini ýere berip, Rebbe sežde etdi-
ler. [7]Soňra olar ýerlerinden turup, hersi

---

[a] **7:65** ***Urym we Tummym*** – Hudaýyň islegini bilmek üçin ruhanylar tarapyndan ulanylýan iki sany daş. Sözlüge seret.
[b] **7:70** ***Ýigrimi gadak*** – ýewreýçe *bir müň darik*. Bu takm. 8,5 kg deňdir.
[ç] **7:71** ***Sekiz ýarym batman*** – ýewreýçe *ýigrimi müň darik*. Bu takm. 170 kg deňdir.
[d] **7:71** ***Altmyş bäş batman*** – ýewreýçe *iki müň iki ýüz mina*. Bu takm. 1300 kg deňdir.
[e] **7:72** ***Elli sekiz batman*** – ýewreýçe *iki müň mina*. Bu takm. 1200 kg deňdir.
[ä] **8:2** ***Ýedinji aýyň birinji güni*** – bu 8-nji oktýabrdyr.

öz ýerinde durdular. Lewiler: Ýeşuwa,
Bany, Şerebýa, Ýamyn, Akup, Şabetaý,
Hodyýa, Magaseýa, Kelita, Azarýa, Ýo-
zabat, Hanan, Pelaýa dagy halka kanuny
düşündirdiler. 8 Olar kitapdan, Hudaýyň
kanunyndan jikme-jik okap, onuň ma-
nysyny halka düşündirdiler. 9 Kanunyň
sözlerini eşidende, halk aglady. Onsoň
häkim Nehemýa, ruhany hem mürze
Ezra we kanuny düşündirýän lewiler
halka ýüzlenip, şeýle diýdiler: «Bu gün
Hudaýyňyz Reb üçin mukaddes gündür.
Şonuň üçin ýas tutup aglaşmaň! 10 Baryň
ýagly et iýiň, süýji şerap içiň. Bişirmäge
zady ýoklara paý iberiň, çünki bu gün
Rebbimiz üçin mukaddes gündür. Gam
çekmäň, çünki Taňrymyzyň eçilýän
şatlygy size güýç-kuwwat berer». 11 Şeý-
dip, lewiler: «Ümsüm boluň, bu gün
mukaddes gündür, gamgyn bolmaň!»
diýip, halky köşeşdirdiler. 12 Onsoň bütin
halk iýip-içip, özlerinde bar zatlaryny
başgalar bilen paýlaşyp, uly şagalaň et-
mäge gitdiler. Çünki olar okalyp berlen
sözlere düşünipdiler.

### *Çatma baýramy*

13 Ikilenji gün bütin halkyň urugbaşyla-
ry, ruhanylardyr lewiler bilen bile mürze
Ezranyň ýanyna kanunyň sözlerini öw-
renmäge üýşdüler. 14-15 Olar kanunda:
«Ysraýyl halky ýedinji aýda baýramçylyk
döwründe çatmalarda ýaşasyn. „Dagla-
ra çykyp, zeýtun, igde, mirt, palma we
beýleki gyrymsy agaçlaryň şahalaryny
getirip, kanunda ýazylyşy ýaly çatma
guruň!“ diýip, özleriniň ähli galalaryn-
da we Iýerusalimde jar çekdirip mälim
etmeklerini Reb Musa arkaly tabşyrdy»
diýlen ýazgyny tapdylar. 16 Onsoň adam-
lar şahalar getirip, her kim öz öýüniň
üçeklerinde, howlularynda, Hudaýyň
öýüniň howlularynda, Suw derwezesi-
niň, Efraýym derwezesiniň ýanyndaky
meýdançalarda özlerine çatma dikdiler.
17 Ýesirlikden gaýdyp gelenleriň ählisi
çatma dikip, onda wagtlaýyn boldular.
Çünki Nunuň ogly Ýeşuwanyň döw-
ründen tä şol güne çenli ysraýyl halky
beýle zat etmändi. Olar şeýle uly şady-
-horramlyk etdiler. 18 Baýramçylygyň
birinji gününden ahyrky gününe çenli
Ezra her gün Hudaýyň Töwradyndan
okady. Olar ýedi günläp baýram etdi-
ler. Sekizlenji gün bolsa buýrulyşy ýaly,
mukaddes ýygnak geçirildi.

## 9-njy bap

1 Ýedinji aýyň ýigrimi dördüne ysraýyl
halky agyz beklemäge ýygnanyşdy. Olar
jul geýnip, başlaryndan gum sowrupdy.
2 Ysraýyllar ähli kese ýerlilerden özlerini
aýryp, öz günälerini, ata-babalarynyň
etmişlerini boýun aldylar. 3 Duran ýer-
lerinden ör turup, günüň dörtden bir
bölegini öz Hudaýy Rebbiň Töwradyny
okap geçirdiler we beýleki dörtden bi-
rinde bolsa günälerini boýun alyp, öz
Hudaýy Rebbe sežde etdiler. 4 Lewileriň
sekisinde Ýeşuwa, Bany, Kadmyýel,
Şebanýa, Bunny, Şerebýa, Bany we
Kenany dagy durdular. Olar gaty ses
bilen Hudaýy Rebbi çagyrdylar. 5 Onsoň
lewiler Ýeşuwa, Kadmyýel, Bany, Ha-
şabneýa, Şerebýa, Hodyýa, Şebanýa we
Petahýa dagy şeýle diýdiler: «Ör turuň
we ezelden ebedä çenli bolan Huda-
ýyňyz Rebbi şöhratlandyryň! Ýa Reb,
alkyşlardan, öwgülerden üstün bolan
şöhratly adyňa alkyş bolsun!»

### *Tutuş halk toba edýär*

6 Ezra şeýle diýdi «Reb Sen, diňe Sen-
siň. Gögi, arşy ähli ýyldyzlary bilen,

Ýeri we ondaky barça zatlary, deňiz-
leri we olardaky ähli janly-jandarlary
ýaradan Sensiň. Hemmesine Sen jan
berýäň. Gögüň goşunlary Saňa sežde
edýärler. 7 Ýa Beýik Hudaý, Ybramy
saýlap, ony babyllylaryň Ur galasyndan
çykaryp, oňa Ybraýym adyny beren
Sensiň. 8 Öz huzuryňda ýüregini sadyk
tapyp, kenganlaryň, hetleriň, amorlaryň,
perizleriň, ýabuslaryň, girgaşlaryň ýur-
duny nesline bermek hakda onuň bilen
äht edişen we ähtini ýerine ýetiren ada-
latly Hudaýsyň. 9 Sen ata-babalarymyzyň
Müsürde başyndan inen külpetlerini
gördüň; Gyzyl deňziň[a] kenaryndaky
perýatlaryny eşitdiň. 10 Faraonyň gar-
şysyna, onuň ähli hyzmatkärleriniň we
onuň ýurdunyň ähli ilatynyň garşysyna
alamatlar, gudratlar görkezdiň. Çünki
Sen olaryň biziň atalarymyza garşy
tekepbirlik bilen hereket edendiklerini
bilýärdiň. Sen Özüňe şu günlere çenli
öçmejek şöhratly at gazandyň. 11 Deňziň
ortasynda gury ýerden geçerleri ýaly,
Sen olaryň öňünde deňzi ikä böldüň.
Olaryň yzlaryndan kowalaýanlary bolsa
çuňluga, daş bölegi ýaly möwç urýan
suwlara taşladyň. 12 Üstesine-de, olara
gündizlerine bulut sütüni bilen ugur
görkezip, gijelerine ot sütüni bilen ýöre-
meli ýollaryny ýagtyltdyň. 13 Sen Sinaý
dagynyň depesine inip, gökden olar bilen
gürleşdiň. Olara dogry hökümler, hak
kanunlar, oňat parzlar hem tabşyryklar
berdiň. 14 Öz mukaddes Sabat günüňi
olara aýan etdiň. Guluň Musanyň üsti
bilen olara tabşyryklar, parzlar we ka-
nunlar berdiň. 15 Ajyganlarynda, gökden
çörek inderdiň, suwsanlarynda, gaýa-
dan suw çykardyň. Berjek diýip wada
eden ýurduňy gidip eýelemegi Sen olara
emr etdiň. 16 Emma ata-babalarymyz
tekepbirlik hem boýnuýogynlyk etdiler,
Seniň tabşyryklaryňa gulak asmadylar.
17 Gulak asmakdan boýun towlap, olaryň
arasynda Seniň görkezen gudratlaryňy
ýatdan çykardylar. Olar boýnuýogynlyk
edip, Müsürdäki gulçulyklaryna dolanyp
barmak üçin özlerine ýolbaşçy belledi-
ler. Emma Sen geçirimli, merhemetli,
rehimdar, giň göwünli we sadyk söý-
gä baý Hudaý. Sen olary terk etmediň.
18-19 Olar hatda özlerine göle heýkelini
ýasap: „Sizi Müsürden çykaran hudaý,
ine, şudur!“ diýip, Saňa erbet dil ýe-
tirenlerinde-de, beýik rehimdarlygyň
üçin Sen olary çölde ýeke taşlamadyň.
Olara ýol görkezmäge gündizlerine
bulut sütünini, gijelerine-de ýörejek
ýollaryny ýagtyldyp, gitmeli ugurlaryny
görkezer ýaly ot sütünini depelerinden
aýyrmadyň. 20 Olara öwüt bermek üçin
paýhasly Ruhuňy berdiň. Mannany ola-
ryň agzyndan kesmediň, suwsanlarynda
suw berdiň. 21 Olary kyrk ýyllap çölde
eklediň, hiç zada zar etmediň. Olaryň
eşikleri könelmedi, aýaklary gabarmady.
22 Olara patyşalyklary, halklary berip, her
bir künjegi deň paýladyň. Şeýdip, olar
Heşbon patyşasy Sihonyň ýurduny we
Başan patyşasy Oguň ýurduny eýelediler.
23 Nesillerini gögüň ýyldyzlary kimin
köpeldip, olary eýelemäge bararsyňyz
diýip atalaryna aýdan ýurduňa getirdiň.
24 Olaryň nesilleri gelip, ýurdy eýelediler.
Sen ýurduň ilatyny, kenganlary olara
boýun egdirdiň. Halanlaryny etsinler
diýip ýurduň halklaryny patyşalary bilen
birlikde olaryň ellerine berdiň. 25 Şeý-
dip, olar galaly şäherleri, mes toprakly
ýerleri basyp aldylar. Içi oňat zatlardan
doly öýleri, gazylan guýulary, üzüm

[a] **9:9** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

baglaryny, zeýtun baglaryny, köp sanly
miweli agaçlary eýelediler. Şeýdip, olar
iýip doýdular, semrediler. Seniň uly sa-
hawatyňdan lezzet aldylar.

26 Muňa garamazdan, olar gulak as-
mazak boldular. Olar Saňa garşy pitne
turzup, Seniň kanunyňy ýigrendiler.
Saňa tarap öwrülmelidiklerini duýdu-
ran pygamberleriňi öldürdiler. Saňa
erbet dil ýetirdiler.
27 Şonuň üçinem
Sen olary duşmanlarynyň eline ber-
diň. Duşmanlary olara ezýet berdiler.
Horluk çekýärkäler, olar Saňa nalyş
etdiler. Sen olaryň nalasyny gökden
eşitdiň. Beýik rehimdarlygyň bilen ys-
raýyllary duşman elinden halas eder
ýaly halasgärler berdiň.
28 Emma janlary
aram tapan badyna, olar Seniň öňüňde
ýene-de pislik etdiler. Sen olary duşman-
larynyň elinde galdyrdyň. Duşmanlary
olaryň üstünden agalyk sürdüler. Ýöne
olar ýene Saňa nalyş edenlerinde, Sen
gökden olaryň nalasyna gulak saldyň.
Rehimdarlygyň bilen olary ençeme
gezek halas etdiň.
29 Sen olara Öz ka-
nunyňa tarap öwrülmeklerini duýdurdyň.
Emma olar şonda-da tekepbirlik edip,
Seniň tabşyryklaryňa boýun egmediler;
hökümleriňi berjaý etseler, ýaşajak-
dyklaryny bilseler-de, hökümleriňi ret
etdiler. Olar gerişlerini ýükden sowup,
boýnuýogynlyk etdiler, diňlemediler.
30 Sen ençeme ýyllap, olar bilen sabyr-
ly bolduň. Pygamberleriň arkaly, Öz
Ruhuň bilen olara duýdurdyň. Emma
şonda-da olar gulak asmadylar. Şonuň
üçin hem Sen olary ýurtlaryň halklary-
nyň eline berdiň.
31 Emma Öz tükenmez
rehimdarlygyň bilen olary bütinleý ýok
etmediň ýa-da terk etmediň. Çünki Sen
merhemetli, rehimdar Hudaýsyň.

32 Eý, ähtini we sadyk söýgüsi-
ni saklaýan Hudaýymyz! Beýik,
gudratly hem haýbatly Hudaý! Aşur pa-
tyşalarynyň döwründen tä şu güne çenli
patyşalarymyzyň, baştutanlarymyzyň,
ruhanylarymyzyň, pygamberlerimiziň,
ata-babalarymyzyň, Seniň halkyň bo-
lan biziň başymyzdan inen jebir-jepalar
Seniň gözüňe az görünmesin.
33 Başy-
myzdan inen ähli jezalarda Sen adalatly
bolduň. Çünki Sen wepaly bolsaň-da,
biz erbetlik etdik.
34 Patyşalarymyz,
baştutanlarymyz, ruhanylarymyz we
ata-babalarymyz Seniň kanunyňy
tutmadylar. Seniň beren tabşyryklary-
ňa, duýduryşlaryňa gulak asmadylar.
35 Olar öz patyşalyklarynda, Seniň be-
ren bolçulygyňda, Seniň beren giň we
mes toprakly mekanyňda Saňa gulluk
etmediler, öz pis işlerinden el çekme-
diler.
36 Ine, biz şu güne çenli guldurys.
Miwesini, nygmatyny iýsinler diýip
ata-babalarymyza beren ýurduňda biz
guldurys.
37 Mundan önýän bol hasyl
bolsa günälerimiz zerarly Seniň üstü-
mizden goýan patyşalaryňa gidýär. Olar
biziň we mal-garalarymyzyň üstünden
isledikleriçe höküm sürýärler. Biz bol-
sak, agyr muşakgat içindediris».

38 Bu zatlaryň hemmesi üçin biz Se-
niň bilen ýazmaça berk äht edişýäris.
Bu möhürli hata baştutanlarymyzyň,
lewilerimiziň we ruhanylarymyzyň at-
lary ýazylýar.

## 10-njy bap

1 Möhürli hata ady ýazylanlar:

Hakalýanyň ogly häkim Nehemýa,
Sidkiýa,
2 Seraýa, Azarýa, Ýermeýa,
3 Paşhur, Amarýa, Malkyýa,
4 Hatuş,
Şebanýa, Malluk,
5 Harym, Meremot,
Abadýa,
6 Danyýel, Gineton, Baruk,
7 Me-
şullam, Abyýa, Miýamyn,
8 Magazýa,
Bilgaý, Şemagýa – bular ruhanylardyr.

9 Lewiler: Azanýanyň ogly Ýeşuwa,
Henadadyň ogullaryndan Binnuý, Kad-
mýýel. 10 Olaryň doganlary Şebanýa,
Hodyýa, Kelita, Pelaýa, Hanan, 11 Mika,
Rehop, Haşabýa, 12 Zakur, Şerebýa, Şe-
banýa, 13 Hodyýa, Bany, Beninu.
14 Halk ýolbaşçylaryndan: Paroş, Pa-
hatmowap, Eýlam, Zatu, Bany, 15 Bunny,
Azgat, Bebaý, 16 Adonyýa, Bigwaý, Adin,
17 Ater, Hizkiýa, Azur, 18 Hodyýa, Ha-
şum, Bezaý, 19 Haryp, Anatot, Nebaý,
20 Magpygaş, Meşullam, Hezir, 21 Me-
şezabel, Sadok, Ýaduwa, 22 Pelatýa,
Hanan, Anaýa, 23 Hoşeýa, Hananýa, Ha-
şup, 24 Halloheş, Pilha, Şobek, 25 Rehum,
Haşabna, Magaseýa, 26 Ahyýa, Hanan,
Anan, 27 Malluk, Harym, Bagana.

### *Kanuny saklamak baradaky şertnama*

28-29 Galan halk, ruhanylar, lewiler, yba-
dathana derwezebanlary, aýdymçylary,
hyzmatkärleri we Hudaýyň kanunyna uý-
mak üçin özlerini ýerli halklardan bölüp
aýranlaryň hemmesi – olaryň aýallary,
ogul-gyzlary, kanuna düşünip bilýänleriň
bary öz garyndaşlary we olaryň begleri
bilen birleşdiler. Olar Hudaýyň guly
Musanyň üsti bilen berlen kanuna görä
ýaşamaga, Hökmürowan Rebbimiziň ähli
tabşyryklaryny, hökümlerini, parzlaryny
saklap, olary berjaý etmäge ant içdiler,
ýerine ýetirmeýänleri bolsa näletlediler.
30 Biz ýerli halklar bilen gyz alşyp-be-
rişmeris. 31 Eger ýerli halklar Sabat güni
satmaga harytlar ýa-da galla getirseler-de,
biz olardan Sabat we mukaddes günlerde
hiç zat satyn almarys. Her ýedinji ýyl biz
ýere dynç bereris hem-de algylarymyzyň
baryny geçeris.
32-33 Şeýle hem biz her ýyl bir mysgal
kümşi [a], Hudaýymyzyň öýüniň hyzmaty
üçin bermegi özümize borç edindik. Bu
kümüş hödür çöregi, hemişelik galla
sadakasy, hemişelik ýakma gurbanly-
gy, Sabat günleri, Täze Aý baýramlary
we beýleki baýramlar, mukaddes sa-
dakalar, Ysraýyly günäsinden saplama
gurbanlyklary üçin ulanylar. 34 Biz halk,
ruhanylar we lewiler bije atyşyp, her ýyl
bellenen wagtlarda Hudaýymyzyň öýü-
ne oduny haýsy urugyň getirmelidigini
şertleşdik. Bu odunlar kanunda ýazyly-
şy ýaly, Hudaýymyz Rebbiň gurbanlyk
sypasynda ýakylmalydy. 35 Ýerimiziň
ilkinji hasylyny we her bir agaçdan
önen ilkinji miweleri her ýyl Rebbiň
öýüne getirmegi özümize borç edinýä-
ris. 36 Kanunda ýazylyşy ýaly, nowbahar
ogullarymyzy Hudaýyň öýünde hyzmat
edýän ruhanylaryň ýanyna getirip, ilkinji
mal-garalarymyzy, sürülerimiziň ilki
bolan öküzçelerini, goýun-geçilerimiziň
ilkinji erkek owlak-guzularyny olara
eltip bereris. 37 Her ýyl ilkinji galladan
edilen hamyry, öz sadakalarymyzy, dürli
miweleri, täze şeraby, ýagy ruhanylara,
Hudaýymyzyň öýüniň ammarlaryna
tabşyrarys. Ýerimizden önýän hasy-
lyň ondan bir bölegini lewilere bereris.
Çünki galalarymyzda lewiler hasylyň
ondan birini ýygnaýarlar. 38 Lewiler ha-
sylyň ondan birini ýygnaýarkalar, Harun
neslinden bir ruhany olaryň ýanynda
bolar. Lewiler hem özleri üçin topla-
nan tutuş hasylyň ondan bir bölegini
Hudaýymyzyň öýüniň ammarlaryna
tabşyrarlar. 39 Çünki ysraýyl halky we
lewiler gallany, täze şerap we ýag sa-
dakasyny ammarlara getirmelidirler.
Ol ýerde mukaddes ýeriň gap-gaçlary,

[a] **10:32-33** ***Bir mysgal kümüş*** – ýewreýçe *şekeliň üçden biri*. Bu takm. 4 gr deňdir.

hyzmat edýän ruhanylar, derwezeban-
lardyr aýdymçylar bolýandyr.
Biz Hudaýymyzyň öýüni terk etmeris.

### 11-nji bap

***Iýerusalimde ýaşaýan adamlar***

1 Halk baştutanlary Iýerusalimde
ýaşadylar. Ilatyň galany bije atyşyp,
mukaddes şäher bolan Iýerusalimde
ýaşar ýaly, her on maşgaladan birini saý-
ladylar. Galan dokuzysy bolsa beýleki
galalarda galdylar. 2 Halk Iýerusalimde
ýaşamaga meýletin isleg bildirenleriň
hemmesine ak pata berdi.
3 Iýerusalimde mesgen tutanlar welaýat
baştutanlarydy. Ýöne ruhanylar, lewiler,
ybadathana hyzmatkärleri, Süleýmanyň
hyzmatkärleriniň nesilleri we beýleki
ysraýyl adamlarynyň hersi Ýahudanyň
galalaryndaky öz galasynda, öz mül-
künde mesgen tutdular. 4 Ýahuda we
benýamin tireleriniň käbirleri Iýerusa-
limde ýaşadylar. Ýahuda tirelerinden:
Zakarýanyň agtygy, Uzyýanyň ogly
Ataýa. Onuň ata-babalaryna Peresiň
neslinden bolan Amarýa, Şepatýa, Ma-
halalel degişlidir. 5 Kolhozeniň agtygy,
Barugyň ogly Magaseýa. Onuň ata-ba-
balaryna Hazaýa, Adaýa, Ýoýaryp we
Zakarýa degişlidir. Bular Ýahudanyň
ogly Şilonyň neslindendi. 6 Iýerusalimde
mesgen tutan Peresiň ähli nesilleri dört
ýüz altmyş sekiz edermen urşujylardan
ybaratdy.
7 Benýamin tiresiniň adamlary: Ýo-
gediň agtygy, Meşullamyň ogly Sallu.
Onuň ata-babalaryna Pedaýa, Kolaýa,
Magaşeýa, Itiýel we Ýeşagýa degişlidir.
8 Sallunyň ýakyn garyndaşlary Gabaý
hem Sallaý. Jemi dokuz ýüz ýigrimi
sekiz benýaminli Iýerusalimde ýaşa-
ýardy. 9 Zikriniň ogly Ýowel olaryň
ýolbaşçysydy. Hasenuwanyň ogly Ýa-
huda bolsa şäheriň üstünden baştutanlyk
edýän ikinji adamdy.
10 Ruhanylardan: Ýoýarybyň ogly Ýe-
daýa we Ýakin. 11 Meşullamyň agtygy,
Hilkiýanyň ogly Seraýa. Onuň ata-ba-
balaryna Sadok, Meraýot we Hudaýyň
öýüniň baştutany bolan Ahytup degiş-
lidir. 12 Olaryň Hudaýyň öýüniň işini
edýän garyndaşlarynyň jemi sekiz ýüz
ýigrimi iki adamdy. Ata-babalary Emasy,
Zakarýa, Paşhur we Malkyýa bolan Pe-
lalýanyň agtygy, Ýerohamyň ogly Adaýa.
13 Onuň doganlary, urugbaşylary iki
ýüz kyrk ikidi. Azareliň ogly, Ahzaýyň
agtygy Emaşsaý. Onuň ata-babalaryna
Meşillemot we Immer degişlidir. 14 Ola-
ryň doganlary bir ýüz ýigrimi sekiz
edermen urşujylardy. Olaryň ýolbaşçysy
Hagedolymyň ogly Zabdyýeldi.
15 Lewilerden: Azrykamyň agtygy,
Haşubyň ogly Şemagýa. Onuň ata-ba-
balaryna Haşabýa we Buni degişlidir.
16 Lewileriň baştutanlaryndan bolan, Hu-
daýyň öýüniň daşarky işlerine seredýän
Şabetaý we Ýozabat. 17 Dilegde şükür
etmäge başlananda öňüni başlaýan, Asa-
fyň neslinden bolan Zabdynyň agtygy,
Mikanyň ogly Matanýa. Doganlarynyň
arasynda onuň orunbasary Bakbukýa;
Ýedutunyň neslinden Galalyň agtygy,
Şammuwanyň ogly Abda bardy. 18 Mu-
kaddes şäherde ýaşaýan lewileriň jemi iki
ýüz segsen dördi. 19 Derwezebanlar Akup,
Talmon we onuň derwezeleri saklaýan
doganlary bir ýüz ýetmiş ikidi. 20 Ysraýy-
lyň, ruhanylaryň we lewileriň galanlary
bolsa Ýahudanyň ähli galalarynda, öz
mülklerindediler. 21 Emma ybadathana
hyzmatkärleri Ofelde ýaşaýardylar. Siha
bilen Gişpa olara ýolbaşçylyk edýärdiler.
22 Iýerusalimdäki lewileriň ýolbaşçysy
Uzydy. Ol Haşabýanyň agtygy, Banynyň

ogludyr. Onuň ata-babalaryna Hudaýyň
öýünde gulluk edýän aýdymçylardan
bolan Asafyň neslinden Matanýa we
Mika degişlidir. 23 Patyşa tarapyndan
olara degişli ýörite perman bardy we
aýdymçylaryň her güni üçin azyk harjy
bellenipdi. 24 Ýahuda nesliniň Zera uru-
gyndan Meşezabeliň ogly Petahýa halka
degişli her bir işde patyşanyň ýanynda
wekilçilik edýärdi.

### *Beýleki galalardaky we obalardaky halk*

25 Halkyň köp bölegi obalarda, öz ekin
meýdanlarynyň ýanynda ýaşadylar. Ýa-
huda halkynyň käbirleri Kirýatarbada,
Dibonda, Ýekabseýelde we olaryň tö-
weregindäki obalarda ýaşadylar. 26 Olar
şeýle hem Ýeşuwada, Moladada, Beýt-
peletde, 27 Hasarşugalda, Beýerşebada
we onuň obalarynda mesgen tutdular.
28 Olar Ziklag galasynda, Mekonada we
onuň golaýyndaky obalarda ýaşaýardy-
lar. 29 Eýnrimmonda, Sorgada, Ýarmutda,
30 Zanowada, Adullamda we bu galala-
ryň ýanyndaky obalarda ýaşaýardylar.
Olar Lakyşda, onuň golaýyndaky meý-
danlarda, Azekada we onuň obalarynda
ýaşaýardylar. Olar Beýerşebadan Hinnom
deresine çenli aralykda mesgen tutdular.
31 Benýamin ogullary, Gebada, Mikmaş-
da, Aýada, Beýtelde, golaýdaky obalarda,
32 Anatotda, Nopda we Ananýada, 33 Ha-
sorda, Ramada we Gitaýymda, 34 Hadytda,
Sebogymda we Neballatda, 35 Lotda, Ono-
da we Hünärmentler deresinde mesgen
tutdular. 36 Ýahudada ýaşaýan lewileriň
käbir toparlary benýaminlere goşuldylar.

## 12-nji bap

1 Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyl we Ýe-
şuwa bilen gelen ruhanylardyr lewiler:
Seraýa, Ýermeýa, Ezra, 2 Amarýa,
Malluk, Hatuş, 3 Şekanýa, Rehum, Mere-
mot, 4 Ydo, Ginetoý, Abyýa, 5 Miýamyn,
Magadýa, Bilga, 6 Şemagýa, Ýoýaryp,
Ýedaýa, 7 Sallu, Amok, Hilkiýa, Ýedaýa.
Ýeşuwanyň döwründe bular öz doganla-
rynyň we ruhanylaryň baştutanlarydylar.
8 Lewiler: Ýeşuwa, Binnuý, Kadmyýel,
Şerebýa, Ýahuda we Matanýa öz dogan-
lary bilen şükür edilende ýolbaşçylyk
edýärdiler. 9 Olaryň doganlary Bakbukýa
bilen Unny hem ybadat edilende olaryň
garşysynda durardylar. 10 Ýeşuwa Ýoýa-
kymyň atasydyr. Ýoýakym Elýaşybyň
atasydyr. Elýaşyp Ýoýadanyň atasydyr.
11 Ýoýada Ýonatanyň atasydyr. Ýonatan
Ýaduwanyň atasydyr.
12 Ýoýakymyň baş ruhany bolan
döwründe şu ruhanylar urugbaşylar
bolupdylar: Seraýa urugyndan Meraýa,
Ýermeýa urugyndan Hananýa, 13 Ezra
urugyndan Meşullam, Amarýa urugyn-
dan Ýehohanan, 14 Meliku urugyndan
Ýonatan, Şebanýa urugyndan Ýusup,
15 Harym urugyndan Adna, Meraýot
urugyndan Helkaý, 16 Ydo urugyndan
Zakarýa, Gineton urugyndan Meşullam,
17 Abyýa urugyndan Zikri, Minýamyn
urugyndan we Mogadýa urugyndan
Piltaý, 18 Bilga urugyndan Şammuwa,
Şemagýa urugyndan Ýonatan, 19 Ýoýaryp
urugyndan Matenaý, Ýedaýa urugyndan
Uzy, 20 Sallaý urugyndan Kallaý, Amok
urugyndan Eber, 21 Hilkiýa urugyndan
Haşabýa, Ýedaýa urugyndan Netanel.

### *Ruhany we lewi uruglarynyň ýazgysy*

22 Bu ýazga Elýaşybyň, Ýoýadanyň,
Ýohananyň we Ýaduwanyň döwründe
lewi urugbaşylary girizildi. Şeýle hem
Darýuş parsyň döwrüne çenli bolan ruha-
nylar ýazyldy. 23 Lewileriň urugbaşylary

taryh ýazgylaryna Elýaşybyň ogly Ýo-
hananyň döwrüne çenli ýazylgydylar.
24 Lewiler baştutanlary Haşabýa, Şe-
rebýa we Kadmyýeliň ogly Ýeşuwa bir
tarapda, doganlary-da beýleki tarapda
durup, Hudaýyň guly Dawudyň tabşy-
ryşy ýaly, gezek-gezegine alkyş okap,
şükür edýärdiler. 25 Matanýa, Bakbukýa,
Abadýa, Meşullam, Talmon we Akup
ybadathana derwezeleriniň ýanyndaky
ammarlary goraýan derwezebanlardy.
26 Bu adamlar Ýosadagyň agtygy Ýeşu-
wanyň ogly Ýoýakymyň hem-de häkim
Nehemýanyň, şeýle-de ruhany, mürze
Ezranyň döwründe ýaşadylar.

### *Iýerusalimiň diwary Hudaýa bagyş edilýär*

27 Iýerusalim diwary Hudaýa bagyş
edilende, lewileri Iýerusalime getirjek
bolup, ähli ýerlerden gözlediler. Lewiler
şatlyk, şükürlerdir we aýdymlar bilen
kimwallar, arfalar we liralar bilen Iýeru-
salim diwarynyň bagyş ediliş dabarasyny
bellemek üçin gerekdi. 28-29 Aýdymçylar
Iýerusalimiň töweregindäki ýerlerden,
netofalylaryň obalaryndan, şeýle hem
Beýtgilgaldan, Geba we Azmawet etrap-
laryndan ýygnandylar. Çünki aýdymçylar
Iýerusalimiň töwereginde özlerine oba-
lar gurupdylar. 30 Ruhanylar we lewiler
özlerini tämizlänlerinden soň, halky, der-
wezeleri we diwary-da tämizlediler.

31 Soňra men Ýahuda baştutanlaryny
diwara çykardym. Dabaraly ýöriş edip,
şükür edýän iki uly topary belledim. Ola-
ryň biri diwaryň üsti bilen saga, Dökün
derwezesine tarap gitdi. 32 Olaryň yzyn-
dan Hoşagýa we Ýahuda baştutanlarynyň
ýarysy, 33 Azarýa, Ezra, Meşullam, 34 Ýa-
huda, Benýamin, Şemagýa we Ýermeýa
gitdi. 35 Şeýle hem elleri surnaýly käbir
ruhany ogullary: Şemagýanyň agtygy,
Ýonatanyň ogly Zakarýa. Onuň ata-ba-
balaryna Asafyň urugyndan Matanýa,
Mikaýa we Zakur degişlidir. 36 Onuň
garyndaşlary: Şemagýa, Azarel, Mila-
laý, Gilalaý, Magaý, Netanel, Ýahuda we
Hanany dagy ýörediler. Olaryň ellerinde
Hudaýyň adamy Dawudyň saz gurallary
bardy. Mürze Ezra hem olaryň öňünden
gitdi. 37 Bulak derwezesiniň ýanynda
öňlerindäki Dawut şäherine eltýän bas-
gançaklardan diwaryň uçudyna çykdylar.
Dawudyň köşgüniň üstünden gündogara
tarap ýöräp, Suw derwezesine geldiler.
38 Şükür edýänleriň beýleki topary diwa-
ryň üsti bilen ýöräp, çep tarapa gitdiler.
Menem halkyň ýarysy bilen bularyň
yzyndadym. Biz Tamdyr diňiniň üsti
bilen geçip, Giň diwara çenli ýöredik.
39 Efraýym derwezesiniň üstünden Köne
derwezesine, Balyk derwezesine, Ha-
nanel diňine, Ýüzler diňine we Goýun
derwezesine çenli gidip, Garawul derwe-
zesine ýetip durduk. 40 Şükür edýänleriň
iki topary Hudaýyň öýünde durdy. Men
hem ýanymdaky baştutanlaryň ýarysy
bilen durdum. 41-42 Meniň toparymda
surnaý çalýan şu ruhanylar bardy: El-
ýakym, Magaseýa, Minýamyn, Mikaýa,
Elýogeýnaý, Zakarýa, Hananýa; aýdym-
çylar: Magaseýa, Şemagýa, Elgazar, Uzy,
Ýehohanan, Malkyýa, Eýlam we Ezer
bardy. Aýdymçylar öz ýolbaşçylary Ýiz-
rahýa bilen aýdym aýtdylar. 43 Şol gün
olar köp gurbanlyklar berip şatlandylar.
Çünki Hudaý olara uly şatlyk eçilipdi.
Aýallardyr çagalar-da şatlanyşyp, Iýe-
rusalimiň şowhuny alyslardan eşidildi.

### *Ybadathana jogapkärçilikleri*

44 Şol gün ybadathana üçin berilýän
gatançlaryň, ilkinji miweleriň we ondan

birleriň saklanýan ammarlaryna gö-
zegçiler goýuldy. Olar ruhanylar we
lewiler üçin kanun tarapyndan galalaryň
meýdanlaryna görä kesgitlenen paýlary
ýygnamalydylar. Çünki ýahudalar ru-
hanylaryň we lewileriň hyzmatyndan
hoşaldylar. 45 Olar aýdymçylar bilen
derwezebanlaryň, Dawudyň we ogly
Süleýmanyň tabşyrygyny berjaý edişleri
ýaly, öz Hudaýynyň hyzmatyny edip,
tämizlik işine seretdiler. 46 Çünki owal-
dan, Dawudyň we Asafyň günlerinde
aýdymçylaryň ýolbaşçysy bardy. Hudaýa
alkyş we şükür aýdymlary aýdylýardy.
47 Zerubabylyň we Nehemýanyň döwrün-
de bütin ysraýyl halky aýdymçylara we
derwezebanlara gündelik paý berýärdi.
Şeýle hem ysraýyllar lewilere degişli
paýy aýry goýýardylar. Lewiler hem
Harunyň nesillerine degişli paýy aýry
goýýardylar.

### 13-nji bap

***Nehemýanyň soňky işleri***

1 Şol gün olar halka Musanyň kitaby-
ny okap berdiler. Kitapdan: «Ammon
ýa-da Mowap halky Hudaýyň halkyna
asla goşulmaly däldir» diýen ýazgyny
tapdylar. 2 Çünki olar ysraýyl halkyny
çörek we suw bilen garşylaman, gaýtam,
olary näletlesin diýip, Bilgamy hakyna
tutdular. Ýöne Hudaýymyz näleti ýal-
kanyşa öwürdi. 3 Halk bu kanuny eşidip,
keseki milletlerden bolanlaryň baryny
Ysraýyldan bölüp aýyrdy.

4-5 Mundan ozal Hudaýymyzyň öýü-
niň otaglaryna gözegçi bellenen we
Tobyýanyň garyndaşy bolan ruhany El-
ýaşyp Tobyýa üçin giň bir otag taýynlan
eken. Öň şol otagda galla sadakasyny,
ýakymly ysly tütetgini, gap-gaçlary tab-
şyryk boýunça lewilere, aýdymçylara
we derwezebanlara berilýän gallanyň,
şerabyň, ýagyň ondan birini hem-de
ruhanylar üçin gatançlary saklaýan
ekenler. 6-7 Bu zatlar bolýan wagty men
Iýerusalimde däldim, sebäbi Babyl pa-
tyşasy Artakserksiň otuz ikinji ýylynda
men onuň ýanyna gitdim. Biraz wagt
geçensoň, men patyşadan rugsat alyp,
Iýerusalime dolandym. Gelibem, Elýa-
şybyň Hudaýyň öýüniň howlularynda
Tobyýa üçin bir otag taýynlap, nädogry
iş edendigini eşitdim. 8 Muňa meniň gaty
gaharym geldi. Tobyýanyň ähli öý goş-
laryny otagdan çykaryp zyňdym. 9 Soňra
men buýruk berip, otaglary tämizletdim.
Onsoň ybadathana gap-gaçlaryny, gal-
la sadakasyny, ýakymly ysly tütetgini
yzyna getirip goýdum.

10 Men lewileriň paýlarynyň beril-
mändigini hem eşitdim. Şonuň üçinem
ybadathanada hyzmat eden lewiler we
aýdymçylar öz ekin meýdanlaryna giden
ekenler. 11 Men baştutanlary ýazgaryp,
olardan: «Näme üçin Hudaýyň öýi terk
edilipdir?» diýip soradym. Onsoň men
lewileri we aýdymçylary ýygnap, olary
öňki wezipelerine goýdum. 12 Soňra ähli
ýahudalar ammarlara gallanyň, şerabyň,
ýagyň ondan birini getirdiler. 13 Am-
marlara gözegçi edip, men Şelemýa
ruhanyny, Sadok mürzäni, lewilerdenem
Pedaýany belledim. Olaryň kömekçi-
si edip, Matanýanyň agtygy, Zakuryň
ogly Hanany goýdum. Çünki bularyň
hemmesi dogruçyl adamlar saýylýardy.
Indi olaryň borjy doganlarynyň haky-
ny paýlamakdy. 14 Eý, Hudaýym, Seniň
öýüň we onuň hyzmaty üçin eden oňat
işlerimiň ählisini ýadyňa sal.

15 Şol günler men Ýahudada käbir
adamlaryň Sabat güni üzüm sykýan-
dygyny, bugdaý desselerini getirip,
eşeklerine ýükläp ýörendiklerini gördüm.

Şeýle hem olar Sabat güni şerap, üzüm,
injir we her hili ýükleri Iýerusalime da-
şaýardylar. Onsoň men olara Sabat güni
hiç zat satmaly däldigini duýdurdym.
16 Şäherde ýaşaýan surlular hem balyk
we dürli harytlar getirip, Sabat güni Iýe-
rusalimdäki ýahuda halkyna satýardylar.
17-18 Onsoň men Ýahudanyň beglerine
käýäp, olara: «Sabat gününi harlap, bu
edýän işiňiz näme? Siziň atalaryňyz hem
şeýle etmänmidi? Ata-babalarymyzyň
şeýle edenligi zerarly Hudaýymyz bu
belalary biziň başymyza, bu şäheriň
başyna getirmänmidi? Siz Sabat gününi
harlamak bilen, Ysraýylyň üstünden has-
-da güýçli gazap inderýärsiňiz!» diýdim.

19 Her Sabat gününiň öňüsyrasy, agşam
garaňky gatlyşyberende, men Iýerusali-
miň derwezeleriniň ýapylmalydygyny
tabşyrdym. Sabat geçýänçä, olar açyl-
masyn diýip buýruk berdim. Onsoň
men Sabat güni içerik ýük girizilmesin
diýip, öz hyzmatkärlerimiň birnäçesini
derwezede goýdum. 20 Şondan soň täjir-
ler we dürli haryt satýanlar birki sapar
gijäni Iýerusalimiň daşynda geçirdiler.
21 Emma men olara: «Näme üçin gijäni
diwaryň düýbünde geçirýärsiňiz? Eger
ýene şeýle edäýseňiz, menden eýgili-
ge garaşmaň!» diýip duýduryş berdim.
Şondan soň olar Sabat güni gelmediler.
22 Soňra men lewilere özlerini tämizläp,
mukaddes Sabat gününi tutmak üçin ge-
lip, derwezeleri goramaklygy buýurdym.
Eý, Hudaýym, meniň haýryma muny ýat-
lap, merhemetiň çäksizligine görä, meni
aman sakla! 23 Şol günler men aşdotly,
ammonly we mowaply aýallara öýle-
nen ýahudylary-da gördüm. 24 Olaryň
çagalarynyň ýary aşdot dilinde gepläp,
ýahuda dilinde gepläp bilmeýärdiler,
olar dürli halklaryň dillerinde geple-
ýärdiler. 25 Onsoň men olara käýedim,
näletledim, käbirlerini urdum, saçlaryny
ütdüm. Olara Hudaýyň adyndan ant içi-
rip, şeýle diýdim: «Gyzlaryňyzy olaryň
ogullaryna bermäň, ogullaryňyza, özü-
ňize olaryň gyzlaryny almaň! 26 Ysraýyl
patyşasy Süleýman şeýle aýallar zerarly
günä etmedimi näme? Köp milletleriň
arasynda onuň ýaly patyşa ýokdy. Ol
Hudaýyň halanydy. Hudaý ony bütin
Ysraýylyň üstünden patyşa etdi, emma
keseki milletden bolan aýallar oňa günä
etdirdiler. 27 Indi biz siziň hem keseki
milletlerden aýal alyp, şeýle pislik edip,
Hudaýymyza biwepalyk edýändigiňiz
barada eşitmelimi?»

28 Baş ruhany Elýaşybyň ogly Ýe-
hoýadanyň ogullaryndan biri horonly
Sanballatyň giýewsidi. Şonuň üçin men
ony ýanymdan kowdum. 29 Eý, Hudaýym,
olaryň bu etmişini unutma. Çünki olar
ruhanylyga ysnat getirdiler, ruhanylaryň
we lewileriň ähtini bozdular.

30 Şeýdip, men halky kesekileriň tä-
sirinden sapladym. Ruhanylar bilen
lewileriň wezipelerini paýlaşdyryp, her-
siniň etmeli işlerini belledim. 31 Men
wagtynda odun bilen üpjün edilişini, il-
kinji miweleriň getirilişini ýola goýdum.

Eý, Hudaýym, meni ýagşylykda ýatla!

# Ester

## Giriş

*Ester* kitabynda ýahudylaryň Purym baýramynyň şanly seneleriň hataryna goşulmagyna sebäp bolan wakalar beýan edilýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu taryhy wakalar Ýahuda ýurdunyň Pars şalygyna degişli bolan döwründe, bu şalygyň b. e. öň 331-nji ýylda beýik serkerde Isgender Zülkarneýniň tarapyndan basylyp alynmagyň öňüsyrasynda bolup geçýär.

Ýahudylar Pars şalygynda gaty az sanlydylar. Şonuň üçin-de, olar duşmanlaryna baştutanlyk edýän Haman tarapyndan ýok edilme howpy astynda ýaşaýardylar. Ýahudy Mordekaý öz gyzlygy Ester bilen kitabyň baş gahrymanlarydyr. Ester öz gözelligi we oňat gylyk-häsiýetleri bilen Pars patyşasynyň merhemetini gazanyp, şa aýaly bolýar. Patyşanyň aýallarynyň köp bolandygyna garamazdan, Ester onuň iň söýgüli aýalydy. Ester köşkde ýüpek geýip, bal iýse-de, öz halkynyň howp astynda ýaşaýandygyny unutmaýar. Ol elinde baryny edip, öz halkyny duşmanlarynyň hile-pirimlerinden halas edýär.

Kitap Hudaýyň adyny agzamazdan, Oňa doga-dileg edilmezden, ýahudy halkynyň duşmanlaryndan halas bolşuny beýan etmek bilen, Mukaddes Ýazgylaryň beýleki kitaplaryndan tapawutlanýar. Emma Hudaýyň ady gönüden-göni agzalmasa-da, ýahudy Mordekaý we onuň gyzlygy Ester Hudaýyň buýrugyny berjaý edip, agyz beklediler. Şeýdip, olar tutuş ysraýyl halky üçin agyz beklemä we perýada degişli kada-kanunlary dikeltdiler.

### *Mazmuny*

Ester şa aýaly bolýar ........ *1:1–2:23*
Haman ýahudylary ýok etmegiň küýüne düşýär ........ *3:1–5:14*
Haman öldürilýär ........ *6:1–7:10*
Ýahudylar duşmanlaryny derbi-dagyn edýärler ........ *8:1–10:3*

---

### 1-nji bap

#### *Kserks patyşa meýlis guraýar*

1 Bu waka Kserks patyşanyň döwründe
bolup geçipdi. Kserks Hindistan bilen Efiopiýanyň aralygyndaky bir ýüz ýigrimi
ýedi welaýatyň üstünden şalyk sürýärdi.
2 Şol döwürde Kserks patyşa Suza
galasyndaky tagtynda oturyp, ýurtda
şalyk sürýärdi.
3 Patyşalygynyň üçünji
ýylynda ol özüniň ähli begleri hem köşk

emeldarlary üçin meýlis gurady. Meýlise
Parsyň we Madaýyň harby ýolbaşçylary,
han-begleri we welaýatlaryň häkimleri
gatnaşdylar. 4 Ol ýüz segsen günläp pa-
tyşalygynyň egsilmez baýlyklaryny, öz
belent mertebesini we şöhratyny görkezdi.
5 Şol günler geçenden soň, Suza gala-
synda baý-garyp diýmän bütin halk üçin
köşgüň howlusyndaky bagda patyşa ýedi
günläp meýlis gurady. 6 Howly ak we
mawy reňkli perdeler bilen bezelendi,
olar al gyrmyzy we nepis zygyr ýüp-
lük bilen mermer sütünlerdäki kümüş
halkajyklara berkidilendi. Altyn-kü-
müşden ýasalan kürsüler sadap, mermer
we beýleki gymmatbaha daşlar bilen
nagyşlanan ýanýodada goýlandy. 7 Şol
ýere gelen adamlara biri-birinden üýt-
geşik bolan altyn pyýalalarda patyşanyň
baýlygyna laýyk şa şerabyndan bolelin-
likde berildi. 8 Şerap diýseň boldy. Patyşa
myhmanlara isledikleriçe şeraby sahylyk
bilen bermekligi öz hyzmatkärlerine
buýurdy. 9 Şa aýaly Waşty hem Kserks
patyşanyň köşgünde aýallar üçin meý-
lis gurady.

### *Şa aýaly Waşty Kserks patyşanyň buýrugyna boýun egmeýär*

10-11 Meýlisiň ýedinji güni şerapdan
serhoş bolan Kserks patyşa şa aýaly
Waştynyň başyna şalyk täjini geýdirip,
ony öz huzuryna getirmeklerini köşkde
hyzmat edýän ýedi agtasyna: Mehumana,
Bizta, Harbona, Bigta, Abagta, Zetara
we Karkasa buýurdy. Ol bütin halka
we beglere onuň gözelligini görkez-
mek isledi, çünki ol görmegeý aýaldy.
12 Patyşanyň agtalary onuň buýrugyny
şa aýaly Waşta ýetirenlerinde, ol pa-
tyşanyň huzuryna barmakdan boýun
gaçyrdy. Muňa patyşanyň gaty gahary
gelip, onuň kalbynda gazap ody lowlady.
13 Kanuny we höküm çykarylyşy oňat
bilýän adamlardan maslahat soramak
adat bolansoň, patyşa şol döwri oňat bil-
ýän akyldarlardan maslahat sorady. 14 Olar
patyşanyň iň ýakyn adamlary, onuň ýö-
rite maslahatçylary, Parsyň we Madaýyň
ýedi begi: Karşena, Şetar, Admata, Tarşyş,
Meres, Marsena hem-de Memukan dagy-
lardy. Olar patyşanyň huzurynda iň beýik
wezipeleri eýelediler. 15 Patyşa olardan:
«Kserks patyşanyň agtalary arkaly beren
tabşyrygyny ýerine ýetirmändigi üçin,
şa aýaly Waşta kanuna görä nähili çäre
görmeli?» diýip sorady. 16 Soňra Memu-
kan patyşanyň we begleriň öňünde şeýle
diýdi: «Şa aýaly Waşty diňe patyşa garşy
däl-de, eýsem patyşa Kserksiň ähli we-
laýatlaryndaky hemme han-beglere we
halka garşy gabahat iş etdi. 17 Çünki şa
aýalyň bu hereketini ähli aýallar eşiderler,
şunlukda, olar hem öz ärlerini kemsidip,
olara ýigrenç bilen seredip başlarlar. Olar:
„Kserks patyşa şa aýaly Waştynyň öz hu-
zuryna getirilmegini buýurdy, emma ol
patyşanyň huzuryna barmakdan boýun
gaçyrdy“ diýerler. 18 Hut şol günüň özün-
de şa aýalyň bu hereketini eşiden Pars we
Madaý begleriniň aýallary patyşanyň
beglerine gulak asmazlar. Bu olarda ýig-
renç, gahar-gazap döreder. 19 Eger patyşa
oňlasa, goý, ol bir perman çykarsyn. Şa
aýaly Waşty mundan beýläk Kserks pa-
tyşanyň huzuryna barmaly däldir diýlip,
parslaryň we madaýlaryň kanunlaryna
girizilsin we üýtgedilmesin. Şeýle hem,
goý, patyşa Waştynyň şa aýallyk dereje-
sini ondan gowurak başga birine bersin.
20 Şeýdip, patyşanyň çykaran permany
onuň bütin patyşalygynda yglan edilse,
baýu-garyp ähli aýallar öz ärlerine hor-
mat goýarlar». 21 Bu maslahat patyşanyň
hem-de onuň begleriniň göwnünden tur-
dy we patyşa edil Memukanyň aýdyşy

ýaly hem etdi. 22 Ol her bir erkek öz öýüne
hojaýyn bolsun diýip, her halka öz dilinde
yglan edip, özüniň bütin patyşalygyndaky
welaýatlara hersiniň öz ýazuwynda, öz
dilinde hatlar ýollady.

### 2-nji bap

*Ester şa aýaly bolýar*

1 Şu wakalardan soň Kserks patyşanyň
gahary ýatyşyp, ol şa aýaly Waşty, onuň
eden işi hem-de oňa garşy çykarylan
perman barada pikirlendi. 2 Onsoň pa-
tyşanyň emeldarlary oňa şeýle teklip
etdiler: «Goý, patyşa üçin görmegeý,
ýaş, boý gyzlary tapsynlar. 3 Olary Suza
galasynda ýerleşen haremhana getirt-
mek üçin, patyşa öz patyşalygyndaky
bütin welaýatlarda synçylary bellesin.
Olar patyşanyň aýallara sakçylyk edýän
agtasy Hegaýyň gözegçiligi astynda go-
ýulsynlar; olara owadanlyk serenjamlary
berilsin. 4 Patyşanyň göwnüne ýaran
gyzlaryň biri şa aýaly Waştynyň dere-
gine şa aýaly bolsun». Bu teklip patyşa
ýarap, ol olaryň aýdyşy ýaly hem etdi.
5 Suza galasynda Mordekaý atly bir
ýahudy bardy. Ol benýamin tiresinden
bolan Kişiň çowlugy, Şimginiň agty-
gy, Ýaýyryň ogludy. 6 Ýahuda patyşasy
Ýekonýa [a] bilen birlikde Kiş hem Iýeru-
salimden Babyla ýesir edilipdi. Olary
Babyl patysasy Nebukadnesar ýesir edip
äkidipdi. 7 Mordekaý kakasynyň dogany-
nyň gyzy Hadassany, ýagny Esteri özi
terbiýeläp kemala getiripdi, çünki ol gy-
zyň ejesi-de, kakasy-da ýokdy. Ol syratly,
görmegeý boý gyzdy. Onuň ejesi, kakasy
ölenden soň, Mordekaý ony özüne gyzly-
ga alypdy. 8 Şeýdip, patyşanyň tabşyrygy
we permany yglan edilip, birtopar boý
gyzlar Suza galasyna getirilip, Hegaýyň
gözegçiligi astynda goýuldy. Ester hem
patyşanyň köşgüne getirilip, aýallara
sakçylyk edýän Hegaýyň gözegçiligine
berildi. 9 Bu gyz Hegaýyň göwnünden
turup, onuň merhemetini gazandy. Ol
dessine Esteri owadanlyk serenjamlary
hem-de iýmitden ýetdik paý bilen üpjün
edip, patyşanyň köşgünden ýedi kenizi
saýlap, ony kenizler bilen bile harem-
hananyň iň oňat ýerine geçirdi. 10 Ester
öz milleti we maşgalasy barada hiç zat
aýtmady, çünki Mordekaý bu barada dil
ýarmazlygy oňa tabşyrypdy. 11 Esteriň
hal-ýagdaýyny we oňa näme bolýanyny
bilmek üçin, Mordekaý her gün harem-
hananyň howlusynyň öňünde gezmelärdi.
12 Patyşanyň huzuryna barmazdan
öň, aýallar düzgüni boýunça gyz on
iki aýlyk timar beriş döwrüni geçme-
lidi. Bu döwürde gyzlara alty aý mür
ýagy bilen, alty aý hem atyrlar hem-de
owadanlyk serenjamlary bilen timar
berilýärdi. 13 Boý gyz patyşanyň huzu-
ryna gidende, oňa haremhanadan özi
bilen äkitmäge soran zadyny bererdiler.
14 Ol gyz agşam patyşanyň ýanyna gidip,
ertesi patyşanyň gyrnak aýallaryna se-
redýän agtasy Şagaşgazyň gözegçiligi
astyndaky ikinji haremhana gaýdyp
gelerdi. Patyşanyň göwnüne ýarap, pa-
tyşa adyny tutup çagyrýança, ol ikilenç
patyşanyň huzuryna barmazdy.
15 Ester Mordekaýyň gyzlygy, onuň
kakasynyň dogany Abyhaýylyň gyzydy.
Patyşanyň huzuryna barmak nobaty ýe-
tende, ol patyşanyň aýallara gözegçilik
edýän agtasy Hegaýyň aýdanlaryndan
başga hiç zat soramady. Ester özüni
görenleriň barynyň göwnünden turdy.
16 Ester Kserksiň patyşalygynyň ýedinji

[a] **2:6 *Ýekonýa*** – bu at 2Pat 24 we 25-de *Ýehoýakyn* diýip duş gelýär.

ýylynyň onunjy aýy bolan Tebet aýynda
patyşanyň huzuryna äkidildi. 17Ähli aýal-
laryň içinden patyşa Esteri saýlady. Ol
patyşanyň nazarynda beýleki gyzlaryň
ählisinden köp merhemet we mähir gazan-
dy. Şeýdip, ol Esteriň başyna şalyk täjini
geýdirip, ony şa aýaly Waştynyň ýerine
öz şa aýaly etdi. 18Soňra patyşa Esteriň
hatyrasyna özüniň ähli begleri hem-de
köşk emeldarlary üçin meýlis gurady. Ol
ähli welaýatlara dynçlyk berdi, hemme-
lere sahylyk bilen sowgat-serpaýlar etdi.

### *Mordekaý patyşanyň janyny halas edýär*

19Boý gyzlar ikinji gezek bir ýere top-
lanylanda, Mordekaý köşk emeldarydy.
20Ester Mordekaýyň tabşyryşy ýaly özü-
niň maşgalasy we milleti hakynda olara
hiç zat aýtmandy, çünki ol Mordeka-
ýyň tabşyryklaryny özüniň terbiýelenen
wagtyndakysy ýaly ýerine ýetirýärdi.
21Mordekaýyň köşk emeldary bolup işle-
ýän döwründe patyşanyň gapy saklaýan
agtalary Bigtan we Tereş gaharlanyp,
Kserks patyşany öldürmegi ýüreklerine
düwdüler. 22Mordekaý muny bilip, şa
aýaly Estere habar berdi. Ester hem muny
Mordekaýyň adyndan patyşa habar berdi.
23Bu iş barlanylyp, munuň, hakykatdan-da,
şeýledigine göz ýetirilenden soň, olaryň
ikisi-de dardan asyldy. Bu waka patyşanyň
huzuryndaky ýyl ýazgylaryna ýazyldy.

## 3-nji bap

### *Haman ýahudylary ýok etmegiň küýüne düşýär*

1Şu wakalardan soň Kserks patyşa
agak tiresinden bolan Hammedatanyň
ogly Hamanyň wezipesini beýgeldip, ony
öz ýanyndaky emeldarlaryň ählisinden
ýokarda goýdy. 2Patyşanyň köşgündä-
ki ähli köşk emeldarlary dyza çöküp,
Hamana tagzym etdiler, çünki patyşa
olara şeýle tabşyryk beripdi. Emma
Mordekaý oňa dyza çöküp, tagzym et-
mekden boýun towlady. 3Patyşanyň köşk
emeldarlary Mordekaýdan: «Sen näme
üçin patyşanyň tabşyrygyny ýerine ýe-
tirmekden boýun towlaýarsyň?» diýip
soradylar. 4Olar Mordekaýa bu barada
irginsiz aýtsalar-da, ol bulara gulak
asmazdy. Mordekaýyň bu hereketine
Hamanyň takadynyň ýetjekdigini ýa-da
ýetmejekdigini bilmek üçin, köşk emel-
darlary muny Hamana habar berdiler,
çünki Mordekaý olara özüniň ýahudydy-
gy barada aýdypdy. 5Mordekaýyň dyza
çöküp, özüne tagzym etmeýändigini
görende, Haman gahar-gazapdan doldy.
6Emma Hamana diňe Mordekaýyň özü-
ne el gatmaklyk ýeterlik däldi. Şeýlelikde,
Mordekaýyň haýsy halkdandygyny
oňa mälim edenlerinden soň, Haman
Kserksiň bütin patyşalygyndaky ähli
ýahudylary, Mordekaýyň tutuş halkyny
ýok etmegiň küýüne düşdi.
7Kserks patyşanyň şalygynyň on ikinji
ýylynyň birinji aýy bolan Nisan aýynda,
şu dildüwşügiň amala aşyryljak aýyny
we gününi bilmeklik üçin, olar Hamanyň
öňünde pur, ýagny bije atdylar. Bije on
ikinji aý bolan Adar aýynyň on üçüne[a]
düşdi. 8Soňra Haman Kserks patyşa
şeýle diýdi: «Siziň patyşalygyňyzyň äh-
li welaýatlaryndaky halklaryň arasyna
ýaýran, ýöne olardan aýry ýaşaýan bir
halk bar. Olaryň kanunlary-da beýleki
halklaryňkydan üýtgeşik. Mundan baş-
ga-da, olar patyşanyň kanunlaryny berjaý

[a] **3:7** ***Adar aýynyň on üçüne*** – bu 7-nji martdyr.

etmeýärler. Olara beýle zada ýol ber-
meklik patyşanyň bähbidine däl. 9Eger
patyşa oňlasa, goý, olaryň ýok edilmegi
barada bir perman ýazylsyn. Patyşanyň
hazynalaryna goýmak üçin, men patyşa-
nyň hazynadarlarynyň eline on ýedi müň
batman[a] kümüş bererin». 10Şeýlelikde,
patyşa barmagyndaky möhür ýüzügini
çykaryp, Hammedatanyň ogly, ýahudy-
laryň duşmany, agak tiresinden bolan
Hamanyň eline berdi. 11Patyşa Hamana:
«Kümüş-de, halk-da seniň ygtyýaryňa
berilýär, olara isläniňi et» diýdi.

12Birinji aýyň on üçüne patyşanyň mür-
zeleri çagyryldy. Hamanyň tabşyrygy
boýunça patyşanyň ähli welaýatlardaky
hökümdarlaryna we häkimlerine, bütin
halkyň beglerine, her welaýata öz ýa-
zuwynda, her halka öz dilinde perman
ýazyldy. Perman patyşanyň adyndan
ýazylyp, onuň ýüzügi bilen möhürlenil-
di. 13On ikinji aý bolan Adar aýynyň on
üçüne ýahudylaryň uludan kiçä baryny:
aýallary we çagalary bir günde gyryp,
bütinleý ýok edip, ähli mal-mülklerini
basyp almaklyk barada ähli welaýatlara
çaparlardan elin hatlar iberildi. 14Şol
gün üçin taýyn bolar ýaly, bu perma-
nyň nusgasy her bir welaýatda perman
hökmünde çykarylyp, bütin halka yglan
edilmelidi. 15Çaparlar patyşanyň buýru-
gy bilen gyssagly ýola düşdüler. Perman
Suza galasynda çykaryldy. Patyşa bilen
Haman içmäge oturdylar. Suzada welin
aljyraňňylykdy.

### 4-nji bap

***Mordekaý Esterden kömek soraýar***

1Mordekaý bolup geçen ähli zatlar
hakynda eşidende, ýakasyny ýyrtyp,
jul geýnip, başyndan kül sowurdy we
şäheriň ortasyna çykyp, dady-perýat
etdi. 2Ol patyşa köşgüniň derwezesine
çenli geldi, çünki jul geýnen adam der-
wezeden içeri girmeli däldi. 3Patyşanyň
tabşyrygyny we permanyny eşiden ähli
welaýatlardaky ýahudylar agyz bek-
läp, aglaşyp, dady-perýat bilen uly ýas
tutdular. Olaryň köpüsi jul geýnip, kül
üstünde oturdylar.

4Esteriň kenizleri we agtalary ge-
lip, muny oňa habar berenlerinde, şa
aýaly uly gaýga batdy. Ol Mordekaýa
juluň deregine geýer ýaly eginbaş iber-
di, emma ol olary kabul etmedi. 5Soňra
Ester öz hyzmatynda durýan patyşanyň
agtalaryndan biri bolan Hatagy çagy-
ryp, oňa Mordekaýyň ýanyna baryp,
nämeleriň bolýandygyny we sebäbiniň
nämedigini bilmekligi tabşyrdy. 6Hatak
patyşanyň derwezesiniň öňündäki şäher
meýdançasyna, Mordekaýyň ýanyna
gitdi. 7Mordekaý oňa özi bilen bolup
geçen zatlaryň barysy barada hem-de
ýahudylary ýok etmek üçin Hamanyň
patyşanyň hazynasyna goýmagy wada
beren kümşüniň mukdaryna çenli aýdyp
berdi. 8Şeýle hem, Mordekaý özlerini
derbi-dagyn etmek baradaky Suzada
çykarylan permanyň ýazuw nusgasy-
ny Estere görkezip, düşündirmegi üçin
Hataga berdi. Ol Estere patyşanyň hu-
zuryna baryp, ondan öz halkyna rehim
etmegini sorap, öz adamlary üçin oňa
ýalbarmagyny tabşyrmaklygy Hatak-
dan haýyş etdi. 9Hatak Esteriň ýanyna
gidip, Mordekaýyň ähli tabşyryklaryny
oňa aýtdy. 10Soňra Ester Hatak bilen
gepleşip, ondan Mordekaýa şeýle habar
iberdi: 11«Erkekdigine ýa-da aýaldy-
gyna garamazdan, patyşanyň ýanyna

[a] **3:9** ***On ýedi müň batman*** – ýewreýçe *on müň kikkar.* Bu takm. 340 tonna deňdir.

çakylyksyz gelen adam babatda bir ka-
nun bar – ölüm, diňe patyşanyň altyn
hasasyny uzadan adamy diri galýar. Pa-
tyşanyň ähli köşk emeldarlary we onuň
ähli welaýatlaryndaky adamlary muny
bilýärler. Men otuz gün bäri patyşanyň
ýanyna çagyrylamok». 12 Olar Esteriň
sözlerini Mordekaýa aýtdylar. 13 Mor-
dekaý hem Estere olardan şeýle jogap
iberdi: «Patyşanyň köşgünde bolanyň
üçin bar ýahudylaryň içinden ýeke özüň
aman galaryn öýtme. 14 Çünki sen şunuň
ýaly pursatda ümsüm otursaň, onda
ýahudylar başga ýerden ýardam tapyp,
halas bolarlar, ýöne sen we seniň kakaň
maşgalasy heläk bolar. Belki, sen şunuň
ýaly pursatlar üçin şa aýaly bolansyň!»
15 Soňra Ester Mordekaýa şeýle jogap
beriň diýdi: 16 «Bar, Suzadaky ähli ýahu-
dylary ýygna, meniň üçin agyz bekläň,
üç gije-gündizläp iýmäň, içmäň. Men
we meniň kenizlerim-de siz ýaly agyz
bekläris. Şondan soň kanundan çykýan
hem bolsam, patyşanyň ýanyna giderin.
Goý, ölsem öleýin». 17 Soňra Mordekaý
gidip, hemme zady Esteriň tabşyryşy
ýaly etdi.

## 5-nji bap

### *Ester patyşany we Hamany meýlise çagyrýar*

1 Üçülenji güni Ester özüniň şa ly-
basyny geýip, patyşa köşgüniň içki
otagynda, patyşanyň tagty ýerleşen
otagynyň garşysynda durdy. Patyşa
köşgüň agzyndaky otagda öz şalyk tag-
tynda otyrdy. 2 Patyşa şa aýaly Esteriň
içki otagda duranyny görende, Ester
patyşanyň nazarynda merhemet ga-
zandy. Patyşa elindäki altyn hasasyny
Estere tarap uzatdy. Soňra Ester oňa
golaý baryp, hasanyň ujuna elini degirdi.
3 Patyşa oňa: «Şa aýaly Ester, saňa näme
gerek? Näme islegiň bar? Patyşalygy-
myň ýarysy hem bolsa, ol saňa berler»
diýdi. 4 Ester oňa: «Eger patyşa oňlasa,
şa we Haman şu gün meniň patyşa üçin
guran meýlisime gelsinler» diýip jogap
berdi. 5 Soňra patyşa: «Esteriň islegini
bitirmek üçin, Hamany tiz getiriň» diýdi.
Şeýlelikde, patyşa we Haman Esteriň
guran meýlisine geldiler. 6 Şerap içip
otyrkalar, patyşa Estere: «Näme dile-
giň bar? Ol saňa berler. Näme islegiň
bar? Patyşalygymyň ýarysy hem bolsa
berler» diýdi. 7 Ester: «Meniň dilegim,
islegim şudur: 8 „Eger men patyşanyň
göwnünden turan bolsam, patyşa dile-
gimi bitirip, islegimi ýerine ýetirmegi
oňlasa, patyşa bilen Haman ertir meniň
olar üçin gurjak meýlisime gelsinler.
Men ertir patyşanyň soragyna jogap
bererin“» diýdi.

### *Haman Mordekaýy öldürmegiň küýüne düşýär*

9 Şol gün Haman şadyýan, göwnü-
hoş bolup çykyp gaýtdy. Emma patyşa
köşgüniň derwezesinde, Mordekaýyň
özünden heder edip, ýerinden turmandy-
gyny görende, Haman Mordekaýa garşy
gahar-gazapdan doldy. 10 Muňa garamaz-
dan, Haman özüni saklap, öýüne gaýtdy.
Ol öýüne dostlaryny çagyryp, aýaly
Zereşiň hem olara goşulmagyny sorady.
11 Haman olara öz ummasyz baýlyklary-
ny, näçe oglunyň bardygyny, patyşanyň
özüniň wezipesini beýgeldip, beýleki
beglerden we köşk emeldarlaryndan ýo-
karda goýup, eden hezzet-hormatlaryny
sanap berdi. 12 Haman gürrüňiniň üstüni
ýetirip şeýle diýdi: «Hatda şa aýaly Ester
hem öz guran meýlisine patyşa bilen bir-
likde menden başga hiç kimi çagyrmady.

Men ertir hem patyşa bilen birlikde onuň
meýlisine çagyryldym. 13Ýöne patyşa-
nyň köşgüniň derwezesinde oturýan
Mordekaý ýahudyny görenimde, bu
zatlaryň hemmesi puja çykýar». 14Soňra
aýaly Zereş we ähli dostlary oňa: «Be-
ýikligi elli tirsek bolan bir dar agajyny
taýýarlasynlar. Ertir patyşa aýt, goý, ol
şol dar agajyndan Mordekaýy asdyrsyn.
Soňra şatlanyp, patyşa bilen bile meýlise
git» diýdiler. Bu pikir Hamana ýarady.
Ol dar agajyny taýýarlatdy.

## 6-njy bap

### *Patyşa Mordekaýa hezzet-hormat edýär*

1Şol gije patyşanyň gözüne uky
gelmän, ol köşgüň ýyl ýazgylaryny ge-
tirmegi buýurdy. Ony patyşanyň öňünde
okadylar. 2Ondan patyşanyň gapy sak-
laýan agtalary Bigtana bilen Tereşiň
Kserks patyşanyň janyna kast etmek ni-
ýetleriniň bardygy barada Mordekaýyň
aýdan zatlary hakyndaky ýazgy tapyldy.
3Patyşa: «Munuň üçin Mordekaýa näme
hezzet-hormat edildi?» diýdi. Patyşanyň
emeldarlary: «Oňa hiç zat edilmedi» diý-
diler. 4Patyşa: «Howluda kim bar?» diýip
sorady. Edil şol wagt Mordekaý üçin
taýýarlanan dar agajyndan ony asdyr-
mak barada patyşa bilen gepleşmek üçin,
Haman köşgüň daşky howlusyna giripdi.
5Patyşanyň emeldarlary oňa: «Howlu-
da Haman bar» diýdiler. Patyşa: «Goý,
ol içeri girsin» diýdi. 6Şeýdip, Haman
içeri girdi. Patyşa ondan: «Patyşanyň
aýratyn hormatlamak isleýän adamyna
näme edilse, gowy bolar?» diýip sora-
dy. Haman öz içinden: «Patyşa menden
başga kimi şeýle hormatlasyn?» diýip
pikirlendi. 7-9Haman patyşa: «Patyşanyň
aýratyn hormatlamak isleýän adamyna,
patyşanyň geýen şa lybaslary, patyşa-
nyň münen, dabaraly şaý-sepler bilen
bezelen aty getirilip, şa lybaslary we aty
patyşanyň iň atly-abraýly beglerinden
biriniň eline berilsin; goý, ol patyşanyň
aýratyn hormatlamak isleýän adamyny
geýindirsin, goý, ol ony ata mündürip,
şäheriň açyk meýdançasynda jar çekip:
„Patyşanyň aýratyn hormatlamak isleýän
adamyna şeýle edilýär“ diýip aýlasyn»
diýdi. 10Soňra patyşa Hamana: «Dessi-
ne şa lybaslaryny we aty al-da, patyşa
köşgüniň derwezesinde oturýan Mor-
dekaý ýahudyny edil aýdyşyň ýaly et.
Ýaňky aýdanlaryňyň ýekejesi-de kem
bolmasyn» diýdi. 11Şeýlelikde, Haman
şa lybaslaryny we aty alyp, Mordekaýy
geýindirip, ony ata mündürip, şäheriň
meýdançasynda jar çekip: «Patyşanyň
aýratyn hormatlamak isleýän adamyna
şeýle edilýär» diýip aýlady.
12Soňra Mordekaý ýene-de dolanyp pa-
tyşanyň derwezesine geldi. Ýöne Haman
ýas tutup, ýüzüni büräp, tiz öýüne gaýtdy.
13Haman başdan geçiren wakalarynyň
baryny aýaly Zereşe we ähli dostlaryna
gürrüň berdi. Soňra onuň dostlary we
aýaly Zereş oňa: «Öňünde abraýdan
düşen Mordekaýyň ýahudylardan bolsa,
onda sen ondan üstün bolup bilmersiň,
sen hökman ýeňlersiň» diýdiler.
14Olar Haman bilen gepleşip otyrka-
lar, patyşanyň agtalary gelip, Hamany
gyssagly Esteriň guran meýlisine alyp
gitdiler.

## 7-nji bap

### *Haman öldürilýär*

1Şeýdip, patyşa bilen Haman şa aýaly
Esteriň guran meýlisine gitdiler. 2Meý-
lisiň ikinji güni şerap içip otyrkalar,
patyşa ýene-de Estere ýüzlenip: «Şa

aýaly Ester, seniň näme dilegiň bar? Ol
saňa berler. Näme islegiň bar? Patyşa-
lygymyň ýarysy hem bolsa, ol ýerine
ýetiriler» diýdi. 3 Şa aýaly Ester şeýle
jogap berdi: «Eý, patyşahym, eger men
seniň göwnüňden turan bolsam, eger
patyşa oňlasa, meniň dilegim boýunça
janym, islegim boýunça-da halkym
berilsin. 4 Çünki men we meniň hal-
kym gyrlyp, bütinleý ýok edilmek üçin
satyldyk. Eger biz diňe bir gul-gyrnak
edilmek üçin satylan bolsadyk, onda men
sesimi çykarmazdym, çünki gam-gus-
samyz bilen patyşany biynjalyk edip
bolmaz [a]». 5 Kserks patyşa şa aýaly Es-
terden: «Beýle iş etmäge ýürek eden
adam kim? Ol nirede?» diýip sorady.
6 Ester: «Biziň ganym duşmanymyz, ine,
şu zalym Hamandyr!» diýdi. Haman
patyşa bilen şa aýaly Esteriň öňünde
gaty gorkdy. 7 Patyşa gazaba münüp,
meýlisden çykyp, köşk bagyna tarap
çykyp gaýtdy. Haman şa aýaly Esterden
öz janyny dilejek bolup şol ýerde galdy,
çünki ol patyşanyň özüni öldürmek ka-
raryna gelendigini görüp durdy. 8 Patyşa
köşk bagyndan meýlishana dolanyp
gelende, Haman Esteriň ýaplanyp otu-
ran çarpaýasyna özüni oklapdy. Patyşa:
«Ol hut meniň öýümde, meniň gözümiň
alnynda şa aýalyny zorlajak bolýarmy?»
diýdi. Bu söz patyşanyň agzyndan çykan
badyna, patyşanyň agtalary Hamanyň
ýüzüni bürediler. 9 Ol patyşanyň hyzma-
tyndaky agtalaryň biri bolan Harbona
şeýle diýdi: «Patyşanyň janyny halas
eden Mordekaýy asmak üçin Hamanyň
taýýarlan beýikligi elli tirsek bolan dar
agajy onuň öýünde dur». Patyşa: «Şol
dar agajyndan onuň özüni asyň» diýdi.
10 Şeýdip, olar Hamanyň Mordekaý üçin
taýýarlan dar agajyndan onuň özüni
asdylar. Şondan soň patyşanyň gaha-
ry ýatyşdy.

## 8-nji bap

### *Ýahudylara duşmanlaryna garşy söweşmäge rugsat berilýär*

1 Hut şol günüň özünde Kserks patyşa
ýahudylaryň duşmany bolan Hamanyň
emlägini şa aýaly Estere berdi. Mordekaý
hem patyşanyň huzuryna geldi, çünki
Ester onuň öz garyndaşydygy barada pa-
tyşa aýdypdy. 2 Patyşa Hamandan yzyna
alan möhür ýüzügini çykaryp, Morde-
kaýa berdi. Ester Mordekaýy Hamanyň
bütin hojalygynyň üstünden baştutan
edip goýdy. 3 Ester ýene-de patyşanyň
aýagyna ýykylyp, aglap, oňa ýalbaryp,
ondan agak tiresinden bolan Hamanyň
ýahudylara garşy guran wagşyçylykly
hilesini ýatyrmagyny sorady. 4 Patyşa
Estere altyn hasasyny uzatdy. 5 Ester hem
ýerinden turup, patyşanyň huzurynda
durdy. Ol şeýle diýdi: «Eger patyşanyň
göwnüne ýarasa, eger men patyşanyň
nazarynda merhemet gazanan bolsam,
bu işi patyşa oňlasa, eger men onuň göw-
nünden turan bolsam, goý, onda perman
ýazylsyn. Şol permanda agak tiresinden
bolan Hammedatanyň ogly Hamanyň
patyşanyň ähli welaýatlaryndaky ýahu-
dylary ýok etmek üçin hilegärlik bilen
ýazan hatlary ýatyrylýar diýip ýazylsyn.
6 Çünki men halkymyň başyna geljek
bela nädip çydaýyn? Garyndaşlary-
myň ýok edilmegine nädip çydaýyn?»
7 Soňra Kserks patyşa şa aýaly Estere
we ýahudy Mordekaýa şeýle diýdi: «Ine,

[a] **7:4** ***Çünki gam-gussamyz bilen patyşany biynjalyk edip bolmaz*** – ýa-da *ýöne patyşa ýetjek zyýanyň öwezini hiç bir duşman dolup bilmez.*

men Hamanyň emlägini Estere berdim.
Onuň özüni hem dardan asdyrdym, çün-
ki ol ýahudylara el galdyrdy. 8 Siz-de
ýahudylar hakda nämäni makul bilseňiz,
ony patyşanyň adyndan ýazyň-da, pa-
tyşanyň ýüzügi bilen möhürläň; çünki
patyşanyň adyndan ýazylyp, patyşanyň
ýüzügi bilen möhürlenen permany hiç
kim ýatyryp bilmez». 9 Üçünji aý bolan
Siwan aýynyň ýigrimi üçüne[a] patyşa-
nyň mürzeleri çagyryldy. Mordekaýyň
ähli tabşyryklary boýunça ýahudylara,
Hindistandan Efiopiýa çenli bolan ara-
lykdaky ýüz ýigrimi ýedi welaýatyň
hökümdarlaryna, häkimlerine, begle-
rine, her welaýata öz ýazuwynda, her
halka öz dilinde, şeýle hem ýahudylara
öz dilinde we öz ýazuwynda perman
ýazyldy. 10 Mordekaý ony Kserks paty-
şanyň adyndan ýazyp, patyşanyň ýüzügi
bilen möhür basyp, hatlary patyşa üçin
ýörite seýislenen, onuň hyzmatyndaky
ýyldam atlara atlanan çaparlardan ýol-
lady. 11 Patyşa şu hatlaryň üsti bilen ähli
şäherlerdäki ýahudylara ýygnanyşyp,
özlerini goramaga rugsat berdi. Eger-de
islendik halkyň ýa-da welaýatyň ýaragly
toparlary olaryň çagalaryna, aýallary-
na hüjüm edip, mal-mülklerini talaýsa,
ýahudylaryň olary gyryp, bütinleý ýok
etmäge haky bardy. 12 Muny şeýle etmek
üçin Kserks patyşanyň bütin welaýatla-
rynda ýahudylar üçin bir gün – on ikinji
aý bolan Adar aýynyň on üçi güni bel-
lenildi. 13 Ähli ýazylan zatlaryň nusgasy
her bir welaýatda perman hökmünde
çykarylyp, bütin halka yglan edilmelidi.
Ýahudylar şol gün öz duşmanlaryndan
öç almaga taýýarlykly bolmalydylar.
14 Şeýdip, çaparlar patyşanyň buýrugy
bilen onuň hyzmatyndaky ýyldam atlara
atlanyp, atlaryny ýüzin salyp, gyssag-
ly gitdiler. Bu perman Suza galasynda
çykaryldy. 15 Mawy hem ak reňkdäki şa
lybasly, başy uly altyn jygaly we nepis
zygyr matadan dokalan gyrmyzy don-
ly Mordekaý patyşanyň huzuryndan
gaýtdy. Muňa Suzadakylar gygyryşyp
şatlandylar. 16 Bu ýahudylar üçin bagt
hem şatlyk, begenç hem hormatdy. 17 Her
welaýatda, her şäherde, patyşanyň tab-
şyrygynyň, permanynyň gowşan ähli
ýerinde ýahudylar şatlanyp, begenip,
toý-meýlis, baýram etdiler. Ýahudylar-
dan gorkularyna ýurduň halklarynyň
köpüsi ýahudylara goşuldylar.

## 9-njy bap

### *Ýahudylar duşmanlaryny derbi-dagyn edýärler*

1 On ikinji aý bolan Adar aýynyň on
üçüne patyşanyň tabşyrygy we permany
amala aşyrylmalydy. Hut şol gün ýahu-
dylaryň duşmanlary olary ýok etmegi
ýüreklerine düwüpdiler, ýöne şol gün
olar däl-de, ýahudylar öz duşmanlaryn-
dan üstün çykdylar. 2 Ýahudylar özlerine
zyýan ýetirmek isleýänlere gaýtawul
bermek üçin, Kserks patyşanyň ähli
welaýatlarynda, öz şäherlerinde ýygnan-
dylar. Hiç kim olaryň garşysyna durup
bilmedi, çünki ähli adamlaryň üstüne
ýahudylar tarapyndan gorky howpy aba-
nypdy. 3 Welaýatlaryň ähli han-begleri,
hökümdarlary, häkimleri hem-de paty-
şanyň iş dolandyryjylary Mordekaýdan
gorkularyna ýahudylara ýardam etdiler.
4 Mordekaýyň köşkdäki mertebesi, at-
-abraýy günsaýyn artyp, şöhraty ähli
welaýatlara doldy. 5 Şeýdip, ýahudylar
ähli duşmanlaryny gylyçdan geçirdiler,

[a] **8:9** ***Siwan aýynyň ýigrimi üçüne*** – bu 25-nji iýundyr.

öldürdiler, ýok etdiler. Özlerini ýigren-
ýänlere islänini etdiler. 6 Ýahudylar Suza
galasynda bäş ýüz adamy öldürip, bü-
tinleý ýok etdiler. 7-10 Şeýle hem, olar
ýahudylaryň duşmany bolan Ham-
medatanyň ogly Hamanyň on ogluny:
Parşandatany, Dalpony, Aspatany, Pora-
tany, Adalýany, Arydatany, Parmaştany,
Arysaýy, Aridaýy, Waýzatany öldürdiler,
emma olar olja el urmadylar. 11 Hut şol
günüň özünde Suza galasynda öldüri-
lenleriň sany barada patyşa maglumat
berdiler. 12 Patyşa şa aýaly Estere şeýle
diýdi: «Ýahudylar Suza galasynda bäş
ýüz adamy hem-de Hamanyň on ogluny
öldüripdirler. Kim bilýär, olar patyşanyň
beýleki welaýatlarynda, gör, nämeler
edendirler! Indi näme dilegiň bar? Ol
saňa berler. Ýene näme islegiň bar? Ol
ýerine ýetiriler». 13 Ester: «Eger patyşa
muny oňlasa, Suzadaky ýahudylara şu
günki permany ertir hem ýerine ýetirmä-
ge rugsat etsin. Hamanyň on ogly dardan
asylsyn» diýdi. 14 Şeýdip, patyşa munuň
şeýle edilmegine buýruk berdi. Suzada
perman çykarylyp, Hamanyň on ogly
dardan asyldy. 15 Adar aýynyň on dördüne
Suzadaky ýahudylar ýygnanyşyp, Suza-
da üç ýüz adamy öldürdiler, ýöne olar
olja el urmadylar. 16 Patyşanyň beýleki
welaýatlaryndaky ähli ýahudylar hem
öz janlaryny goramak üçin ýygnanyşyp,
öz duşmanlaryndan halas boldular, özle-
riniň duşmanlaryndan ýetmiş bäş müň
adamy öldürdiler, ýöne olar olja el urma-
dylar. 17 Bu waka Adar aýynyň on üçüne
boldy. On dördünji güni olar dynç alyp,
şol gün toý-meýlis gurup şatlandylar.

### *Purym baýramçylygy*

18 Suzadaky ähli ýahudylar on üçünji
hem on dördünji günleri ýygnanyşyp, on
bäşinji güni toý-meýlis gurup, şatlanyp,
dynç aldylar. 19 Şonuň üçin obalarda ýaşa-
ýan ýahudylar Adar aýynyň on dördünji
gününi şatlyk, toý-meýlis, baýram güni
hökmünde belläp, şol gün olar biri-bir-
lerine toý paý iberýärler. 20 Mordekaý
bu zatlary ýazyp, Kserks patyşanyň
ýakynda we uzakda ýerleşen welaýatla-
ryndaky ähli ýahudylara hatlar ýollady.
21-22 Her ýyl Adar aýynyň on dördünji,
on bäşinji günlerini ýahudylaryň öz
duşmanlaryndan halas bolan günleri
hökmünde, özleri üçin gamgynlykdan
şatlyga, ýasdan toýa öwrülen aý hök-
münde bellemeklerini olara tabşyrdy.
Şol gün olar toý-meýlis gurap, şatlanyp,
biri-birlerine toý paý iberişip, garyp-ga-
sarlara sowgatlar ibermelidiler. 23 Şeýdip,
ýahudylar eýýäm başlan zatlaryny edil
Mordekaýyň özlerine ýazyşy ýaly, ýe-
rine ýetirmegi öz üstlerine aldylar.

24 Ähli ýahudylaryň ýirgrenip, agak
tiresinden bolan Hammedatanyň ogly
Haman ýahudylary ýok etmek üçin,
olara garşy hile gurapdy, olaryň ba-
ryny heläk etmek üçin pur, ýagny bije
atypdy. 25 Ýöne Ester patyşanyň hu-
zuryna baranda, patyşa: «Hamanyň
ýahudylara garşy guran hilesi onuň
öz başyna gelsin hem-de onuň özi we
ogullary dardan asylsyn» diýip, ýaz-
maça perman çykardy. 26-27 Şol sebäpli
bu günleri «pur» sözüne görä, Purym
diýip atlandyrdylar. Şonuň üçin şu hat-
da ýazylan ähli zatlar, gören hem-de
başlaryna gelen zatlar zerarly, ýahu-
dylar däp-dessurlary dikeltmekligi öz
üstlerine aldylar. Olaryň nesilleri we
olara goşulanlar her ýyl bu iki güni
ýazylyşy we bellenen wagtyndaky ýaly
edip yzygiderli geçirmelidiler. 28 Her
bir maşgalanyň geljekki nesillerinde,
her bir welaýatda, her bir şäherde şu

günler ýatlanylyp, bellenilmelidi. Ýa-
hudylaryň arasynda bu Purym günleri
yzygiderli bellenilmelidir we şu günler
olaryň nesilleriniň arasynda hem ýat-
dan çykarylmaly däldir. 29 Abyhaýylyň
gyzy şa aýaly Ester Mordekaý ýahudy
bilen Purym hakyndaky bu ikinji haty
doly ygtyýarlylykda tassyklap ýazdylar.
30 Kserksiň höküm edýän ýüz ýigrimi
ýedi welaýatyndaky ähli ýahudylara
parahatçylykly we ynamly sözler bilen
hatlar ýollanyldy. 31 Hatlarda Purym
günlerini öz bellenen wagtynda geçir-
meklik buýruk berilýärdi. Mordekaý
ýahudy bilen şa aýaly Esteriň edil özleri
we öz nesilleri üçin agyz beklemä we
perýada degişli kada-kanunlary dikel-
dişleri ýaly, olar indi ýahudylar üçin
kada-kanunlary dikeltdiler. 32 Şa aýa-
ly Esteriň buýrugy boýunça, Purym
günlerine degişli bolan kada-kanunlar
tassyklanylyp, ýazga geçirildi.

## 10-njy bap

### *Mordekaýyň at-abraýy*

1 Kserks patyşa ýurda we deňiz ada-
laryna salgyt saldy. 2 Patyşanyň ähli
güýç-kuwwaty, Mordekaýy hormat-
lap, onuň wezipesini beýgeldendigi
hakyndaky ähli wakalar Madaý we
Pars patyşalarynyň ýyl ýazgylaryna
ýazylandyr. 3 Çünki Mordekaý ýahudy
wezipesine görä, Kserks patyşadan soň
ikinji beýik adamdy. Onuň ýahudyla-
ryň arasyndaky abraýy uludy we ol öz
ýahudy doganlarynyň köpüsi tarapyn-
dan sylanylýardy, çünki ol öz halkynyň
abadançylygy ugrunda göreşip, tutuş
halkyna parahatçylyk getiren adamdy.

# Eýýup

## Giriş

*Süleýmanyň pähimleri, Wagyz kitaby*, mezmurlaryň käbirleri ýaly, *Eýýup* kitaby hem öwüt-ündew äheňinde ýazylan kitapdyr.

Kitapda Eýýup pygamberiň ömri beýan edilýär. Ol ýahudy bolmasa-da, diri Hudaýa iman edip, örän dogruçyldy. Eýýup şeýle imany üçin Hudaý tarapyndan boldan-bol ýalkanan adam hasaplanýardy. Günleriň birinde Eýýup şeýtan tarapyndan synaga salynýar. Agyr muşakgatlar Eýýubyň başyndan inýär: ol çagalarynyň baryny, ägirt mal sürülerini, tutuş emlägini bir günde ýitirýär. Ol ençeme ýyllap agyr kesellerden ejir çekýär. Eýýubyň ýakyn dostlary onuň halyndan habar tutmaga, teselli bermäge gelýärler. Niýetleriniň ýagşydygyna garamazdan, olaryň tesellisi Eýýubyň jebir-jepalaryny öňküden-de artdyrýar. Eýýup Hudaýa nalyş edip, görýän görgüleri, çekýän jebirleri barada Oňa arz edýär. Kitabyň ahyrynda Hudaý güýç-gudrat içinde Eýýuba jogap berýär. Hudaýyň jogabyndan soň Eýýup aýdara söz tapman, başyndan gumdur kül sowrup, toba edýär.

Jebir çekýän we munuň asyl sebäbini agtaryp: «Men näme üçin şeýle jebir çekýärkäm?» diýip soraýan adamlar bu kitapda öz soraglaryna jogap tapyp bilerler.

***Mazmuny***


Eýýup pygamber we onuň maşgalasy ............ *1:1–2:13*
Eýýup we onuň dostlary ............ *3:1–31:40*
  Eýýubyň ahy-nalasy ............ *3:1-26*
  Birinji gepleşik ............ *4:1–14:22*
  Ikinji gepleşik ............ *15:1–21:34*
  Üçünji gepleşik ............ *22:1–27:23*
  Paýhas öwgüsi ............ *28:1-28*
  Eýýubyň soňky sözi ............ *29:1–31:40*
Elihu söz sözleýär ............ *32:1–37:24*
Reb Eýýuba jogap berýär ............ *38:1–42:6*

## 1-nji bap

### *Eýýup we onuň maşgalasy*

1 Us ýurdunda Eýýup atly bir adam
bardy. Ol akýürekli, dogruçyl, Hudaýdan
gorkýan we şerden gaça durýan adamdy.
2 Onuň ýedi ogly bilen üç gyzy bardy.
3 Şeýle hem onuň ýedi müň goýun-geçisi,
üç müň düýesi, müň öküzi, bäş ýüz ur-
kaçy eşegi we birtopar gul-gyrnaklary
bardy. Ol ähli gündogarlylaryň arasynda
iň baýydy.
4 Eýýubyň ogullarynyň hersi nobat-
ma-nobat öz öýlerinde meýlis gurardylar
we bile iýip-içmek üçin adam ýollap,
üç uýasyny-da çagyrardylar. 5 Meýlis
gutaranynyň ertesi ir bilen turup, Eý-
ýup çagalaryny çagyrdardy. Ol: «Belki,
çagalarym içlerinden Hudaýa gargynyp
günä edendirler» diýip, olary päklemek
üçin baş sanyna görä ýakma gurban-
lyklaryny hödürlärdi. Eýýup hemişe
şeýle ederdi.

### *Eýýubyň birinji synagy*

6 Bir gün ylahy barlyklar Rebbiň hu-
zurynda häzir bolmaga gelenlerinde,
şeýtan-da olaryň arasy bilen geldi. 7 Reb
şeýtandan: «Nireden gelýärsiň?» diýip
sorady. Şeýtan Rebbe: «Bütin ýer ýü-
züne aýlanyp, syýahat edip gelýärin»
diýip jogap berdi. 8 Reb şeýtana: «Sen
gulum Eýýuba üns berdiňmi? Dünýäde
onuň ýaly adam ýokdur; ol akýürekli,
dogruçyl, Hudaýdan gorkýan we şerden
gaça durýan adamdyr» diýdi. 9 Şeýtan
Rebbe şeýle jogap berdi: «Eýýup Hudaý-
dan ýöne ýere gorkýandyr öýdýäňmi?
10 Sen onuň özüni, maşgalasyny we bar
mal-mülküni Öz penaňda saklaýarsyň
ahyryn! Onuň elleriniň işine bereket
berdiň, ýurtda mal-garasyny örňetdiň.
11 Hany, Sen onuň mal-mülküne el urup
bir gör, ol şonda Saňa gargynmazmyka?»
12 Reb şeýtana: «Bolýar, goý, Eýýubyň
ähli zady seniňki bolsun, ýöne onuň
özüne degme» diýdi. Şeýdip, şeýtan
Rebbiň huzuryndan çykyp gitdi.
13 Bir gün Eýýubyň ogullary bilen gyz-
lary uly doganlarynyň öýünde nahar iýip,
şerap içip otyrdylar. 14 Bir çapar Eýýuba
şeýle habar getirdi: «Biz öküzler bilen
ýer sürüp ýörkäk, eşekler-de olaryň
yzynda otlap ýörkäler, 15 şebalylar üs-
tümize çozup, mallary sürüp äkitdiler,
hyzmatkärleriň-de baryny gylyçdan
geçirdiler. Saňa şu habary ýetirmek
üçin diňe men gaçyp gutuldym». 16 Ol
sözüni soňlamanka, ikinji bir çapar gelip:
«Gökde ýyldyrym çakyp, goýunlaryňyň
we hyzmatkärleriňiň baryny ýakyp, küle
öwürdi. Saňa şu habary ýetirmek üçin
diňe men gaçyp gutuldym» diýdi. 17 Ol
sözüni soňlamanka, üçünji bir çapar ge-
lip: «Babyllylar üç topar bolup düýeleriň
üstüne çozdular-da, olary sürüp äkitdiler,
hyzmatkärleriň-de baryny gylyçdan ge-
çirdiler. Saňa şu habary ýetirmek üçin
diňe men gaçyp gutuldym» diýdi. 18-19 Ol
heniz sözüni tamamlamanka, başga bir
çapar: «Seniň ogullaryňdyr gyzlaryň uly
doganlarynyň öýünde nahar iýip, şerap
içip otyrkalar, çöl tarapdan bir güýçli
tupan gelip, öýi tutuşlygyna ýumurdy.
Öý ýaşlaryň üstüne ýykyldy we olaryň
bary öldi. Saňa şu habary ýetirmek üçin
diňe men gaçyp gutuldym» diýen ha-
bary getirdi.
20 Eýýup ýerinden galyp, ýakasyny
ýyrtdy, saçyny syryp, ýüzüni ýere berip
sežde etdi. 21 Ol:

«Ýalaňaç indim bu dünýä,
ýalaňaç-da dolanaryn o dünýä.
Beren-de Rebdir, alan-da Rebdir.

Goý, Rebbiň adyna alkyş
bolsun!» diýdi.
22 Eýýup bu agyr muşakgatlyklaryň as-
tynda-da, Hudaýy ýazgaryp, günä etmedi.

## 2-nji bap

### *Eýýubyň ikinji synagy*

1 Başga bir gün ylahy barlyklar Reb-
biň huzuryna gelenlerinde, şeýtan-da
olaryň arasy bilen Rebbiň huzurynda
häzir bolmaga geldi. 2 Reb şeýtandan:
«Nireden gelýärsiň?» diýip sorady. Şeý-
tan Rebbe: «Bütin ýer ýüzüne aýlanyp,
syýahat edip gelýärin» diýip jogap berdi.
3 Reb şeýtana: «Sen gulum Eýýuba üns
berdiňmi? Dünýäde onuň ýaly adam ýok-
dur. Ol akýürekli, dogruçyl, Hudaýdan
gorkýan we şerden gaça durýan adamdyr.
Sen Meni Eýýuby sebäpsiz heläk etmäge
öjükdirdiň, ýöne ol entegem päkliginde
mäkäm dur» diýdi. 4 Şeýtan Rebbe şeýle
jogap berdi: «Ten deregine ten! Ynsan
öz jany üçin bar zadyndan geçer. 5 Sen
onuň süýegine we tenine el degrip gör,
şonda-da ol Saňa gargynmazmyka?»
6 Reb şeýtana: «Bolýar, Eýýup seniň
eliňde, ýöne onuň janyny aýa» diýdi.

7 Şeýdip, şeýtan Rebbiň huzuryndan çy-
kyp gitdi-de, Eýýubyň süýr depesinden
dabanyna çenli agyryly çybanlar çykardy.
8 Eýýup gaşanmak üçin bir küýze döwü-
gini aldy-da, külüň üstünde oturdy.

9 Eýýubyň aýaly oňa: «Entegem päk-
ligiňi mäkäm saklap ýörmüsiň? Hudaýy
näletle-de, öl» diýdi. 10 Emma Eýýup
aýalyna: «Sen akmak aýal ýaly geple-
ýärsiň. Hudaýdan ýagşylygy kabul edip,
ýamanlygy kabul etmälimi?» diýip jogap
berdi. Şunça hasratlaryň içinde-de Eý-
ýup gepi-sözi bilen günä etmedi.

### *Eýýubyň üç dosty*

11 Eýýubyň üç dosty: teýmanly Elipaz,
şuwaly Bildat we nagamly Sopar onuň
başyna düşen belalar hakynda eşidip, öz
bolýan ýerlerinden ýola düşdüler. Olar
Eýýuba duýgudaşlyk bildirip, göwnüne
teselli bermäge gitmek üçin duşuşdy-
lar. 12 Olar Eýýuby uzakdan görüp, ony
tanamadylar. Onuň dostlary ses edip
aglaşdylar, ýakalaryny ýyrtyp, başlaryn-
dan kül sowurdylar. 13 Eýýubyň dostlary
ýedi gije-gündizläp onuň bilen bile ýerde
oturdylar. Derdi juda çökder bolansoň,
hiç kim oňa söz gatmady.

## 3-nji bap

### *Eýýup gepleýär*

1 Ahyry Eýýup dil açdy we öz dünýä
inen gününi näletledi. 2 Ol şeýle diýdi:
3 «Goý, meniň doglan günüm
gurasyn!
„Göwrede ogul çaga galdy“
diýlen gijä nälet siňsin!
4 Goý, şol gün garaňkylyga
öwrülsin!
Gökdäki Hudaý şol güni unutsyn,
onuň üstüne ýagty düşmesin!
5 Goý, şol güni garaňkylyk, tüm
garaňkylyk gurşasyn.
Bulutlar örtsün ony,
garaňkylyk ony gorka salsyn!
6 Şol gijäni zulmat gaplasyn,
ol gije ýylyň günlerine
girizilmesin.
7 Goý, ol önelgesiz gije bolsun,
onda şatlykly owaz eşidilmesin!
8 Goý, günleri näletleýänler,
Liwýatany [a] oýarmagy
başarýanlar

[a] **3:8** ***Liwýatan*** – deňiz aždarhasy. Sözlüge seret.

şol güni näletlesinler!
9 Daň ýyldyzlary şugla saçmasyn
şol gün,
yşyga umyt baglasyn,
ýöne yşyk bolmasyn,
daň şapagyna ýüzi düşmesin!
10 Çünki ol enemiň ýatgysyny
ýapmady,
hasraty meniň gözlerimden
gizlemedi.

11 Näme üçin dünýä inäýemde
ölmändirin?
Göwreden çykan dessime jan
bermändirin?
12 Etege salynmasam boljak eken!
Emdirilmänler geçsem boljak
eken!
13 Onda men häzir rahatlykda
ýatardym,
dynçlykda bolardym.
14 Haraba öwrülen binalary guran
dünýäniň şalary, geňeşçileri
bilen,
15 öýlerini kümüşden dolduran,
altyn toplan han-begler bilen
dynçlykda bolardym.
16 Näme üçin öli doglan çaga dek,
ýagta gözi düşmedik çaga dek
ýere gömülmändirin men?!
17 Ol ýerde ýamanlar ýamanlykdan
el çekýärler,
ýadawlar-da dynç alýarlar.
18 Ol ýerde ýesirler asudalykdadyr,
olar gözegçileriniň seslerinden
dynçdyr.
19 Baý-da, garyp-da bardyr ol
ýerde,
gullar-da hojaýynlaryndan
azatdyr.

20 Näme üçin jebir-jepa çekýäne
nur,
kalby hasratla-da ömür
berilýär?
21 Ajaly arzuw edýärler, ajal
gelmeýär,
ony gizlenen hazynadan köp
agtarýarlar.
22 Gabra gowşanlarynda,
şatlanýarlar,
joşup, şowhun edýärler.
23 Näme üçin ýoluny görüp
bilmeýäne,
Hudaýyň tümlüge gaplanyna
ömür berilýär?
24 Çörege derek ahy-zar ýuwudýan,
ahy-nalalarym edil suw kimin
dökülýär.
25 Hakykatdanam, gorkym başyma
gelýär,
heder edenim-de üstümden
inýär.
26 Mende ne rahatlyk bar,
ne asudalyk, ne-de dynçlyk bar,
diňe tükeniksiz muşakgat
gelýär».

## 4-nji bap

### *Elipaz jogap berýär*

1 Teýmanly Elipaz söze başlap, şeýle
diýdi:
2 «Seniň bilen sözleşmäge
synanyşsak, saňa agyr
degmezmi?
Geplemekden saklanyp bilýän
barmy näme?
3 Ine, sen köplere tälim berdiň,
ejizlere medet berdiň.
4 Sözleriň büdreýänlere goldaw
boldy,
ikirjiňlenýänleri berkitdiň.
5 Emma indi öz başyňa gelende,
ruhdan düşýäň,
bela uçraňda, özüňi ýitirýäň.

6 Ynamyň Hudaýdan gorkmakda,
umydyň päk durmuşda dälmi?

7 Ýadyňa sal, heý, bigünäniň
ýogalany barmy?
Dogruçyllaryň heläk bolany
barmy?
8 Görşüme görä pislik sürümini
geçirip,
hasraty ekýänler,
şony-da orýandyrlar.
9 Olar Hudaýyň demi bilen heläk
bolýarlar,
Onuň gazaby bilen ýok
bolýarlar.
10 Arslanyň arryldysy, gazaply şiriň
sesi kesilýär,
çaga arslanlaryň dişleri
syndyrylýar.
11 Güýçli arslan awsyzlykdan heläk
bolýar,
ene arslanyň çagalary
pytradylýar.

12 Maňa gizlinlikde bir söz geldi,
gulagyma bir pyşyrdy ildi.
13 Gijeki görnüşlerden dörän pikirler
içinde,
ynsanlary agyr uky basýan
mahalynda,
14 meni gorky, titreme gaplady,
bütin bedenim sarsdy.
15 Bir ruh ýüzümi syryp geçip
gitdi,
endamymyň tüýleri syh-syh
boldy.
16 Ol ümsüm durdy,
ýöne onuň keşbini saýgaryp
bilmedim.
Gözümiň alnynda bir syrat durdy,
ümsümlikdi, soň bir ses eşitdim:
17 „Heý-de ynsan Hudaýdan dogry
bolup bilermi?
Ynsan öz Ýaradyjysyndan päk
bolup bilermi?
18 Ol hatda Öz gullaryna ynam
etmeýär,
Öz perişdelerinden ýalňyşlyk
tapýar.
19 Onsoň Ol toprakdan ýaradylan
ynsana neneň ynam etsin!
Olaryň esasy tozdandyr,
olar güýeden tiz gyrylýandyrlar.
20 Ertir bilen agşam aralygynda
ýitirim bolýarlar,
hiç kimiň gözüne ilmän ebedi
ýok bolýarlar.
21 Olaryň ömür tanaplary kesilip,
dünýäden paýhassyz ötüp
gidýärler“».

## 5-nji bap

### *Elipaz sözüni dowam edýär*

1 «Hany, çagyr, jogap beren
tapylarmyka?
Sen perişdeleriň haýsyna
ýüzlenjek?
2 Akmagy gahar-gazap öldürýär,
nadany gabanjaňlyk ýok edýär.
3 Kök urýan akmaklary gördüm,
emma olaryň öýleri duýdansyz
näletlendi.
4 Çagalary howpsuzlykdan
uzakdyr,
adalatdan mahrum edilýärler
olar,
howandarlyk edýän ýokdur olara.
5 Açlar akmaklaryň hasylyny
iýýärler,
ony tikenleriň arasyndan ýygyp
alýarlar,
açgözler baýlyklaryny
ýuwudýarlar.
6 Çünki muşakgatlyk toprakdan
çykmaz,

hasrat-da ýerde bitmez.
7 Uçgunyň ýokaryk uçuşy dek,
ynsan hasrat üçin dogulýar.

8 Men bolsam Hudaýa ýüz
tutardym,
dawamy Oňa tabşyrardym.
9 Ol akyla sygmajak, beýik işleri
edýär,
san-sajaksyz gudratlary
görkezýär.
10 Ýer ýüzüne ýagyş ýagdyryp,
meýdanlary suwarýan-da Oldur.
11 Ol kemsidilenleri arşa çykarýar,
gussalylar howpdan dynýar.
12 Hilegärleriň niýetlerini bozýar Ol,
guran hilelerini puja çykarýar.
13 Akyllysyraýany öz hilesinde
tutýar,
mekirleriň maslahaty ýele
sowrulýar.
14 Gündizleri garaňkylyga öwrülip,
gündiziň günortany gije dek
sermeşip gezýärler.
15 Ol mätäçleri gylyçdan,
güýçlüleriň dilinden
hem elinden halas edýär.
16 Şeýdip, pukaralarda umyt
bolýar,
adalatsyzlyk agzyny ýumýar.

17 Gör, nähili bagtly Hudaýyň
terbiýeleýäni!
Gudratygüýçliniň temmisini ret
etme.
18 Çünki ýaralaýan-da Ol,
saraýan-da Ol,
şikes ýetirýän-de Ol, şypa
berýän-de Ol.
19 Ol seni alty betbagtçylykdan
gutarar,
ýedinjiden-de saňa zyýan
ýetmez.
20 Ol seni açlykda ölümden,
uruşda gylyçdan gutarar.
21 Ol seni duzly dilden gorar,
gyrgyn gelende, sen
gorkmarsyň.
22 Gyrgynyň, açlygyň üstünden
gülersiň,
ýabany haýwanlardan heder
etmersiň.
23 Meýdan daşlary bilen dil
tapyşarsyň,
ýabany haýwanlar bilen agzybir
bolarsyň.
24 Çadyryňyň asudalykdadygyny
bilersiň,
süriňe göz aýlaňda, sany tükel
bolar.
25 San-sajaksyz nesil görersiň,
zürýatlaryň ýaýladaky otlar
kimin bolar.
26 Öz möwsüminde harmana
ýygnalýan galla desseleri dek
sen hem gabra gojalyp girersiň.
27 Derňew geçirdik, bu hakykatdyr,
muny diňle-de, özüň üçin
belläp al».

## 6-njy bap

### *Eýýup Elipaza jogap berýär*

1 Eýýup şeýle jogap berdi:
2 «Wah, derdim ölçelsedi,
betbagtlygym terezide
çekilsedi!
3 Deňiz çägelerindenem agyr
çykardy,
şonuň üçin men oýlanyşyksyz
gepledim.
4 Çünki Gudratygüýçliniň oklary
içimde,
ruhum olaryň zäherini içýär,
Hudaýyň howplary garşyma
hatarlanan.

5 Gulan otlagdaka aňňyrýarmy?
Ýa öküz ahyrynyň başynda
molaýarmy?
6 Tagamsyz zat duzsuz iýilýärmi?
Ýumurtganyň agynda tagam
barmy?
7 Beýle naharlara işdäm ýok,
bular ýüregimi bulaýarlar.

8 Wah, arzuwym hasyl bolup,
Hudaý maňa umyt bersedi!
9 Kerem edip, Hudaý janymy alsady,
elini uzadyp, ömür tanapymy
kessedi!
10 Bu maňa teselli bolardy,
güýçli dert içinde hem
begenerdim,
çünki men Mukaddes Bolanyň
sözlerini ret etmedim.

11 Garaşmaga güýjüm barmy nä?
Sabyr etmäge soňum barmy nä?
12 Daşdanmy güýjüm?
Bürünçdenmi tenim?
13 Alaçsyz galanymda,
özüme ýardam etmäge güýjüm
ýetermi?

14 Dostuna mähirlik etmeýän,
Gudratygüýçlüden gorkmagy
ret edýändir.
15 Dostlarym akaba ýap kimin
durnuksyzdyr,
akar suwly çeşmeler kimindir.
16 Çeşmeler buzlar eränden daşýarlar,
gar suwlaryndan dolýarlar.
17 Jöwzada çeşmeler guraýarlar,
yssyda gaýyp bolýarlar.
18 Kerwenler ýollaryndan sowlup,
suw gözleginde entäp heläk
bolýarlar.
19 Suw agtarýarlar Teýmanyň
kerwenleri,
Şebanyň ýolagçylary umytda
bolýarlar.
20 Olar ynam edendikleri üçin
utanýarlar,
ol ýere gelip, ruhdan düşýärler.
21 Siz hem meniň üçin şol çeşmeler
ýaly bolduňyz,
betbagtlygymy görüp
gorkýarsyňyz.
22 Men size: „Maňa zat beriň,
baýlygyňyzdan beriň“ diýdimmi?
23 „Meni duşman elinden halas ediň,
meni garakçylaryň elinden
yzyma satyn alyň“
diýdimmi ýa?

24 Maňa öwrediň, onsoň dymaýyn,
ýalňyşymy düşündiriň.
25 Dogry sözler güýçlüdir!
Ýöne siziň boş sözleriňiz
nämäni subut edýär?
26 Sözlerimi düzederin
öýdýärsiňizmi?
Ejiziň gepini ýele
sowurýarsyňyzmy?
27 Hatda ýetim üçin bije atarsyňyz,
dostuňyza baha kesersiňiz.
28 Indi merhemet edip, maňa serediň,
ýüzüňize bakyp, ýalan sözläp
bilmen.
29 Gowuja pikirleniň, adalatsyzlyk
etmäň,
ýaňadan garaň, men hakdyryn.
30 Agzymdan nähak söz
çykýanmydyr?
Betbagtlygy gören däldirin
öýdýäňizmi?»

## 7-nji bap

### *Eýýup sözüni dowam edýär*

1 «Ynsanlaryň ýerdäki durmuşy
juda müşgil dälmi?

Güzerany günlükçiniň güzerany
ýaly dälmi?
2 Kölegäni küýseýän gul,
muzduna garaşýan günlükçiler
kimin,
3 kysmatyma boş aýlar ýazyldy,
Muşakgatly gijeler bellenildi.
4 Düşegime geçip: „Haçan
turarkam?!“ diýýän,
emma gije gutarnyksyz gijä
öwrülýär,
ikiýana urnup, daňymy atarýan.
5 Bedenim gurtdur kesmekler bilen
örtülendir,
hamym kesmekläp, soňam iriň
akýar.
6 Günlerim dokmaçynyň
mäkisinden çalt,
olar umytsyzlykda geçip
barýar.
7 Unutma, eý, Hudaý, ömrüm bir
demdir,
gaýdyp ýagşylyga gözüm
düşmez.
8 Gözleriň meni şu pursat görýär,
ýöne mundan beýläk meni
görmersiň,
gözleriň meni gözlär, emma
meni tapmarsyň.

9 Buludyň selçeňläp, gaýyp bolşy
deý,
ölüler dünýäsine gidenler-de
yzlaryna dolanmazlar.
10 Öýlerine gaýdyp gelmezler,
öz mekanlary olary tanamaz.
11 Şonuň üçinem ümsüm boljak
däl,
janymyň ýangyjyna geplejek,
ajy hasrat bilen şikaýat etjek.
12 Meni göz astynda saklaryň ýaly,
men deňiz ýa deňiz
aždarhasymy näme?
13 Düşegim maňa teselli berer,
çarpaýam zeýrenjimi diňdirer
diýsem,
14 meni düýşler bilen gorkuzýaň,
görnüşler bilen ýüregimi
ýarýaň.
15 Şu tende ýaşandan,
boglup ölenim gowudyr.
16 Men janymdan doýdum; bu
dünýä baky gelen däldirin,
meni öz günüme goý, çünki
ömrüm bir demdir.

17-18 Ynsanlary beýgeldip,
olara üns bereriň ýaly,
her säher idäp,
her salym synaryň ýaly,
olar kim bolupdyrlar?
19 Haçana deňeç meni göz astynda
saklajak,
tüýküligimi ýuwutmaga-da
ýeke goýjak dälmi indi?
20 Günä etsem, Saňa zeleli näme,
eý, ynsan Gözegçisi?
Näme üçin meni Özüňe garşydaş
etdiň?
Näme üçin men Saňa ýük
boldum?
21 Näme üçin ýazyklarymy bagyşlap,
etmişlerimi ötmeýäň?
Çünki indi gabra girerin,
meni agtararsyň, ýöne
tapmarsyň».

## 8-nji bap

### *Bildat Eýýuba jogap berýär*

1 Onsoň şuwaly Bildat şeýle diýdi:
2 «Haçana deňeç şeýle gürlejek?
Agzyňdan çykýan sözler
güýçli şemal deý dereksiz.
3 Heý-de, Hudaý adalaty
bozýanmydyr?

Gudratygüýçli hakykaty
ýoýýanmydyr?
4 Ogullaryň Hudaýa garşy günä
eden bolsalar,
Hudaý-da olara ýazyklaryna
görä jeza berendir.
5 Eger Hudaýy agtarsaň,
Gudratygüýçlä ýalbarsaň,
6 päk we dogruçyl bolsaň,
elbetde, Ol seniň üçin aýaga
galar,
sylaglap, hojalygyňy dikelder.
7 Öňüň ujypsyz-da bolsa,
soňuň beýik bolar.

8 Owalky nesillerden sora-da,
olaryň ata-babalarynyň
derňewine nazar sal.
9 Çünki biz düýnkilerdiris,
bilýän zadymyz ýokdur,
ýerdäki ömrümiz kölege
kimindir.
10 Olar saňa öwretmezlermi,
aýtmazlarmy,
ýüreklerindäki sözleri dile
getirmezlermi?

11 Batgasyz ýerde gargy bitermi?
Suwsuz ýerde gamyş ösermi?
12 Olar entek gökkä, orulmanka,
otlardan öň guraýarlar.
13 Hudaýy unudan her kesiň soňy-da
şeýle gutarar,
hudaýsyzyň umydy öler.
14 Bil baglaýany berk däldir,
daýanýany möýüň kerebi
kimindir.
15 Öýüne söýenýär, ýöne ol ýykylar,
oňa berk ýapyşýar, ýöne ol çagşar.
16 Hudaýsyzlar güneşde gülleýän
ösümlik kimin,
olaryň şahalary tutuş baga
ýaýraýar.
17 Kökleri daş üýşmekleriniň
daşyna oralyp,
daşlaryň arasynda ýatýandyr.
18 Eger ýerlerinden goparylsa,
ýer inkär edip: „Seni görmedim“
diýer.
19 Şady-horramlygy uzaga çekýän
däldir olaryň,
olaryň ýerini başgalar tutarlar.

20 Hudaý akýüreklini terk etmez,
pislik edýäne ýardam bermez.
21 Ol ýene agzyňy gülküden,
lebleriňi şadyýan owazdan
doldurar.
22 Duşmanlaryň uýada galar,
ýamanlaryň çadyry weýran
bolar».

## 9-njy bap

### *Eýýup Bildada jogap berýär*

1 Eýýup şeýle jogap berdi:
2 «Dogrusy, munuň şeýledigini
men bilýän,
ýöne Hudaýyň öňünde ynsan
neneň dogry bolup biler?
3 Hudaý bilen jedelleşmek islän,
Onuň müňden bir sowalyna-da
jogap berip bilmez.
4 Hudaý paýhaslydyr, gudratlydyr,
Onuň garşysyna gidip, Ondan
üstün çykan barmydyr?
5 Ol daglary ýerinden süýşürýär,
ýöne muny bilmeýärler,
gazabyna daglary ters
düňderýär.
6 Ol ýeri sarsdyryp,
Onuň sütünlerini titredýär.
7 Ol Güne buýruk berýär – Gün
dogmaýar,
ýyldyzlary möhürläp, gadagan
edýär.

[8] Onuň ýeke Özi gögi ýaratdy,
Ol deňiz tolkunlarynyň üstünde
gezýär.
[9] Uly Ýedigeni, Oriony,
Ülkeri we günorta ýyldyzlaryny
ýaradan Oldur.
[10] Akyla sygmajak beýik işleri,
sansyz täsin işleri edýän-de
Oldur.
[11] Ine, Hudaý gapdalymdan geçýär,
emma Ony görmeýärin,
geçip gidýär, ýöne Oňa gözüm
düşmeýär.
[12] Ol tutup äkidýär – Ony saklap
biljek barmy?
„Edýäniň näme?“ diýip biljek
barmy Oňa?
[13] Hudaý gazabyndan dönmez,
Rahabyň [a] kömekçileri Onuň
aýak astyna düşýär.

[14] Onsoň men Oňa nädip jogap
berip bileýin,
jedelleşmäge sözleri nireden
tapaýyn?
[15] Bigünä bolsam-da, Oňa jogap
berip bilmerin,
Hökümdaryma rehim et diýip
ýalbararyn.
[16] Çagyranymda, maňa jogap
berenem bolsa,
Onuň meni diňlejekdigine ynam
etmeýän.
[17] Ol başyma harasat inderýär,
nähak ýere ýaralarymy
artdyrýar Ol.
[18] Maňa dem almaga salym
bermeýär,
Ol kalbymy hasratdan doldurýar.
[19] Güýç synalsa, elbetde, Ol güýçli
çykar!
Sorag adalatlylyk hakda bolsa,
kim Hudaýa höküm edip
biler?
[20] Bigünä bolsam-da, öz dilim maňa
höküm eder,
akýürekli bolsam-da, ol meni
nähak çykarar.
[21] Men akýürekli, ýöne parhy ýok
maňa,
men öz durmuşymy ýigrenýärin.
[22] Barybir, şonuň üçinem
„Ol aýypsyzy-da, aýyplyny-da
ýok edýär“ diýýän.
[23] Betbagtçylyk duýdansyz ölüm
getirende,
Ol bigünäleriň başyndan inen
bela gülýär.
[24] Dünýä erbetleriň eline berlendir,
dünýä kazylarynyň gözlerini
baglaýan Oldur.
Eger Ol bolmasa, onda kim?

[25] Günlerim çapardan çalasyndyr,
ýagşylyk görmezden çalt geçip
barýar.
[26] Gamyşdan edilen gaýyk deý,
awuna okdurylýan bürgüt deý
gaýyp barýar.
[27] „Arzymy unudaýyn,
ýüzümi ýagtyldyp, şat bolaýyn“
diýsem,
[28] ähli muşakgatlyklarymdan
eýmenýän,
çünki Seniň meni bigünä
saýmajagyňy bilýän.
[29] Barybir höküm edilerin,
näme üçin ýöne ýere jan edýän?
[30] Gar suwuna ýuwnup,
ellerimi aşgar bilen
tämizlesem-de,
[31] Sen meni laý çukura taşlarsyň,

[a] **9:13** ***Rahap*** – gadymy rowaýatlarda duş gelýän äpet deňiz jandary. Sözlüge seret.

hatda öz eşiklerime ýigrenji
görnerin.
32 Çünki Oňa jogap bererim ýaly,
kaza bile giderimiz ýaly,
Ol ynsan däl ahyryn!
33 Wah, ikimizi-de diňläp,
elini üstümize goýar ýaly,
aramyzda bir araçy bolsady!
34 Hasasyny depämden aýyrsady
Hudaý,
üstümden howp
abandyrmasady!
35 Şonda men gorkman
geplärdim,
bu halda welin, hiç zat edip
bilmeýärin».

## 10-njy bap

### *Eýýup sözüni dowam edýär*

1 «Durmuşymy ýigrenýärin,
erkinlik bilen arz ederin,
ajy hasratdan geplärin.
2 Hudaýa diýerin: „Maňa höküm
etme,
meni nämede günäkärleýäniňi
aýt“.
3 Meni ezmek, Öz eliň işini ret
etmek,
pisleriň dildüwşügini goldamak
Saňa gowumy?
4 Eýsem Seniň gözleriň ynsan
gözlerimi?
Ynsanyň görşi dek görýäňmi?
5 Günleriň ynsanyň günleri ýaly
däldir,
ynsanyň ýyllary ýaly däldir
ýyllaryň,
6 Şonda-da etmiş agtarýarsyň,
günä gözleýärsiň menden.
7 Ýazyksyzdygymy,
eliňden hiç kimiň halas
etmejekdigini bilýäň.
8 Elleriň maňa biçim berdi, meni
ýaratdy,
indi bolsa meni heläk etmekçi
bolýaň.
9 Ýadyňa sal! Sen meni toprakdan
ýaratdyň,
indi ýene-de topraga öwürjekmi
meni?
10 Meni süýt kimin dökmänmidiň?
Peýnir kimin gataltmanmydyň?
11 Meni süňkler we siňirler bilen
birleşdirdiň,
et hem deri bilen örtdüň.
12 Maňa ýaşaýyş berdiň, merhemet
etdiň,
aladaň janymy gorap saklady.

13 Emma bulary ýüregiňde
gizlediň,
hyýalyňda şeýle zatlaryň
bardygyny bilýärin.
14 Günä etsem, göz astyňda
saklaýarsyň,
etmişimi jezasyz goýmaýarsyň.
15 Günäli bolsam, dat günüme!
Bigünä bolsam-da, başymy
ýerden galdyryp bilemok,
çünki uýada galan men, agyrdyr
derdim.
16 Şir kimin topulýaň galdyrsam
başym,
gudratlaryňy maňa garşy
ulanýarsyň.
17 Täzeden maňa hüjüm edýärsiň,
maňa bolan gahar-gazabyň
möwç alýar,
garşyma goşun üstüne goşun
getirýäň.

18 Näme üçin meni ýagty ýalança
inderdiň?
Wah, hiç kim görmänkä ölen
bolsadym.

19 Käşgä dünýä asla inmedik
bolsadym,
ejemiň göwresinden göni gabra
taşlanardym.
20 Günlerim gysgadyr,
meni öz günüme goý!
21-22 Garaňky, tüm garaňky dünýä,
zulmatdan, tümlükden doly
dünýä.
Ýagtylygy garaňkylyk ýaly bolan
diýara gitmezimden öň,
goý, biraz ynjalyk tapaýyn
özüme».

## 11-nji bap

### *Sopar Eýýuba jogap berýär*

1 Nagamly Sopar şeýle diýdi:
2 «Köp söze jogap berilmesinmi?
Ýaňrany sözleri aklasynmy?
3 Ýaňralygyň beýlekileri dymdyrar
öýdýäňmi?
Masgaralanyňda, özüňem
utandyrylmazmykaň?
4 Çünki sen: „Taglymatym sapdyr,
men Hudaýyň nazarynda
päkdirin“ diýýäň.
5 Käşgä indi Hudaý geplesedi,
saňa garşy dil ýarsady.
6 Ol saňa paýhasyň syrlaryny
düşündirsedi!
Çünki paýhas köptaraplydyr.
Sen bilgin, Hudaý etmişleriňiň
käsini unutdy.

7 Hudaýyň syrlaryna akyl ýetirip
bilermiň?
Gudratygüýçliniň aňry çägine
ýetip bilermiň?
8 Olar gökdenem beýikdir, sen
näme edip bilýäň?
Ölüler dünýäsindenem çuňdur,
sen näme bilýäň?
9 Olaryň ölçegi älemden uzyn,
deňizden giňdir.

10 Eger Ol gelip, seni zyndana atsa,
höküm etmek üçin çagyrsa, kim
Ony saklap biler?
11 Çünki Ol ýalançylary bilýändir,
Ol pisligi görübem, oňa üns
bermezmi?
12 Gulandan ynsanyň dogulmaýşy
ýaly,
akmagyň-da akyly goýalmaz.

13 Ýüregiňi Oňa bagyşlap,
elleriňi Hudaýa tarap uzatsaň,
14 pis işleriňi bes etseň,
çadyryňda etmişe orun
bermeseň,
15 şonda sen uýatly başyňy
galdyrarsyň,
berk durarsyň, gorkmarsyň.
16 Muşakgatyňy unudarsyň,
akyp giden suwlar dek
ýatlarsyň ony.
17 Günorta çagyndanam ýagty bolar
ömrüň,
säher deý bolar garaňkylygyň.
18 Umytlydygyň üçin arkaýyn
bolarsyň,
goralarsyň, howpsuzlykda dynç
alarsyň.
19 Ýatanyňda seni gorkuzan
bolmaz,
köpler saňa ýaranjaňlyk ederler.
20 Emma pisler umytdan el üzerler,
gaçara ýerleri bolmaz olaryň,
umyt uçgunlary söner».

## 12-nji bap

### *Eýýup Sopara jogap berýär*

1 Eýýup şeýle diýdi:
2 «Siz bar zady bilýänsiňiz,

siz öleniňizde, paýhas-da siz
bilen öler!
3 Meniň-de akylym siziňki ýaly,
men-de sizden kem däldirin,
bu zatlary bilmeýän barmy?

4 Öz dostlaryma gülki boldum!
Hudaýy çagyrdym, Ol-da maňa
jogap berdi,
dogruçyl, päk bolsam-da, men
ile gülki!
5 Dertsizler betbagtlaryň üstünden
gülýärler,
büdreýänleri itip goýberýärler.
6 Garakçylaryň çadyrlary asuda,
Hudaýy gazaplandyrýanlar
howpsuz,
olar diňe öz güýjüne
sygynýandyr.

7 Haýwanlardan sora, olar saňa
öwrederler,
guşlardan sora, olar saňa aýdyp
bererler.
8 Ýerden sora, saňa öwreder ol,
deňziň balyklary saňa aýdyp
bererler.
9 Muny Rebbiň eliniň edendigini
bularyň haýsysy bilýän däldir?
10 Her bir jandaryň jany,
bütin adamzadyň demi Onuň
elindedir.
11 Agzyň tagamy dadyşy deý,
gulagam sözleri seljermezmi?
12 Paýhas garrylarda,
düşünje uzak ömürdedir.

13 Paýhasam, gudratam
Hudaýdadyr,
öwüt-de, danalyk-da
Onuňkydyr.
14 Hudaýyň ýykanyny hiç kim
dikeldip bilmez,
Onuň gabanyny hiç kim
boşadyp bilmez.
15 Hudaý suwlary togtatsa, bar zat
guraýar,
iberse-de, dünýäni sil alýar.
16 Gudratam, paýhasam
Onuňkydyr,
aldan-da, aldanan-da
Onuňkydyr.
17 Ol hökümdarlary kemsidip,
kazylary akmaklara öwürýär.
18 Ol şalaryň guşagyny gowşadyp,
billerine ýüp baglaýar.
19 Ruhanylary kemsidip,
güýçlüleri agdarýar.
20 Ynamly maslahatçylary
dymdyryp,
ýaşululary akylyndan mahrum
edýär.
21 Şazadalary ile ryswa edýär Ol,
güýçlüleri ýaragsyzlandyrýar.
22 Garaňkylyk jümmüşiniň
syrlaryny açýar,
tüm garaňkylygy ýagtylyga
öwürýär.
23 Milletleri beýgeldip, yzysüre ýok
edýär,
milletleri artdyryp, olary
sürgün edýär.
24 Baştutanlary akylyndan
azaşdyryp,
ýolsuz çölde ykdyrýan-da Oldur.
25 Olar garaňkyda yşyksyz
sermeleşip ýörýärler,
olary serhoş kimin entiredýär».

## 13-nji bap

### *Eýýup sözüni dowam edýär*

1 «Bularyň baryny gözlerim gördi,
gulagym eşidip, düşündim.
2 Siziň bilýäniňizi men-de bilýärin,
men sizden kem däldirin.

3 Emma men Gudratygüýçli bilen
gepleşip,
dawamy Hudaý bilen etmek
isleýän.
4 Siz bolsa ýaramy ýalan sözler
bilen bejerýäňiz,
baryňyz dereksiz
lukmandyrsyňyz.
5 Wah, siz bütinleý dymsadyňyz!
Ana, şonda siz paýhasly
bolardyňyz!
6 Diňläň meniň delillerimi,
gulak goýuň meniň
çekişmelerime!
7 Hudaýyň adyndan nähak sözleri
sözlejekmi?
Hileli sözler aýtjakmy Onuň
adyna?
8 Sizmi Hudaýyň tarapyny tutjak?
Onuň üçin dawa etjek?
9 Hudaý sizi synasa, synagdan
geçermikäňiz?
Ynsanyň ynsany aldaýşy ýaly,
Ony-da aldap bilermikäňiz?
10 Hudaýyň tarapyny gizlin
tutsaňyz,
Ol sizi hökman jezalandyrar.
11 Onuň şan-şöhraty sizi
eýmendirip,
gorkusy üstüňize abanmazmy?
12 Nakyllaryňyz kül deý
dereksizdir,
delilleriňiz hiç bir esassyzdyr.

13 Indi siz dymyň-da, maňa
geplemäge gezek beriň,
men başa gelenini göreýin.
14 Tenimi dişim bilen tike-tike edip,
janymy öz elimde goýaýyn.
15 Ol meni öldürer, mende umyt
ýok.
Ýollarymyň dogrudygyny Oňa
subut ederin.
16 Ine, şu meniň gutulyşym bolar,
çünki hudaýsyzlar Onuň
huzuryna baryp bilmez.
17 Sözlerime dykgat bilen gulak
goýuň,
aýdýanlarym gulagyňyzda
galsyn.
18 Men dawamy taýýarladym,
aklanjagymy bilýärin.
19 Kim meniň bilen jedel etjek?
Şondan soň lal-jim bolup
ölerdim.
20 Ýa Hudaý, meniň iki islegimi
ýerine ýetiräý,
şonda men Senden gizlenmerin:
21 Menden eliňi çek,
meni Öz howpuňdan azat et.
22 Onsoň meni çagyr, men-de jogap
bereýin,
ýa-da men gepläýin, Sen maňa
jogap ber.
23 Etmişlerim, günälerim köpmüdir?
Maňa ýazygymy, günämi görkez.
24 Näme üçin menden ýüzüňi gizläp,
meni Özüňe duşman saýýarsyň?
25 Ýeliň gaçyran ýapragyny
eýmendirjekmi?
Gury samany kowalajakmy?
26 Maňa garşy ajy aýyplamalar
ýazýarsyň,
ýaşlykdaky etmişlerimi miras
berýärsiň.
27 Aýaklaryma künde urýarsyň,
her bir ädimimi garawullap,
aýak yzlaryma çenli barlaýarsyň.
28 Ynsan bir çüýrän zat,
güýe degen eşik kimin dargaýar».

## 14-nji bap

### *Eýýup sözüni dowam edýär*

1 «Ynsandan doglan ynsanyň ömri
gysga,

derdi köp bolýandyr.
2 Ol gül kimin açylýar, solýar,
kölege kimin ýitýär, yz
galmaýar.
3 Meniň ýala dagam göz dikýäňmi
Sen?
Höküm etmek üçin meni
huzuryňa getirýäňmi?
4 Kim haramdan tämizi çykaryp
bilýär?
Hiç kim!
5 Ynsanyň güni sanalgydyr,
aýlarynyň sany kesgitlenendir,
olar Seniň bellän çäkleriňden
geçip bilmeýärler.
6 Olardan gözüňi aýyr, öz
günlerine goý,
iş gününi soňlan işçi dek
dynç alsynlar.
7 Hatda agaja-da umyt bardyr,
ol çapylsa, ýene gögerer,
pudaklary egsilmez.
8 Köki ýerde garrap,
töňňesi toprakda gurap gitse-de,
9 suw ysyny alan badyna ösüntgi
çykaryp,
ýaş agaç kimin şahalaýar.
10 Emma ynsan ölüp, ýok bolýar,
adamzat jan berip, ýitirim
bolýar.
11 Köl suwlarynyň guraýşy,
derýanyň gurap, çöle dönüşi
kimin,
12 ynsan hem ýatýar-da, gaýdyp
turmaýar,
gökler ýok bolýança, adamlar
oýanmazlar,
ukularyndan turuzylmaz.

13 Wah, meni ölüler dünýäsinde
gizlesediň,
gazabyň ýatyşýança, meni
ýaşyrsadyň,
maňa möhlet berip, onsoň meni
ýatlasadyň!
14 Ynsan öler-de, direlermi?
Men tä azat edilýänçäm,
azaply gullugymyň ähli
günlerinde garaşaryn.
15 Sen çagyrarsyň, men-de jogap
bererin.
Öz eliňiň ýaradanyny küýsärsiň.
16 Şonda Sen ädimlerimi sanarsyň,
ýöne günämi yzarlamagyňy bes
edersiň.
17 Ýazygym torba salnyp
möhürlener,
etmişimiň üstüni örtersiň.

18 Dag opurylyp, weýran bolýar,
gaýa ýerinden goparylýar;
19 suwlar daşlaryň ýüzüni
ýalmaýar,
siller ýeriň topragyny syryp
äkidýär,
Sen hem ynsanlaryň umydyny
şeýle ýok edýärsiň.
20 Ynsanlardan hemişelik üstün
çykýaň,
olar ýok bolýarlar,
ýüzüni üýtgedip, gaýry ýere
ýollaýaň.
21 Ogullary hormata eýe bolýarlar,
olar mundan habarsyz,
masgaralanýarlar, olar muny
bilmeýärler.
22 Olar diňe öz bedenleriniň
agyrysyny duýup,
diňe özleri üçin ýas tutýarlar».

## 15-nji bap

### *Elipaz Eýýuba jogap berýär*

1 Onsoň teýmanly Elipaz şeýle diýdi:
2 «Akylly adam boş sözler bilen
jogap berermi?

Özüni gündogar şemalyndan
doldurarmy?
3 Ol biderek gep bilen,
dereksiz sözler bilen dawa-
-jenjel turzarmy?
4 Hudaýdan heder etmegi aradan
aýyrýarsyň,
Hudaý barada oýlanmaga päsgel
berýärsiň.
5 Etmişiň gepiňe täsir edýär,
hilegäriň dilinde gürleýärsiň.
6 Seni ýazgarýan men däl, öz
agzyň,
dodaklaryň saňa garşy şaýatlyk
edýär.

7 Ilki doglan ynsan senmisiň?
Daglardan öň ýaradyldyňmy?
8 Hudaýyň mejlisini diňlediňmi?
Ýeke-täk dana adamdyryn
öýdýäňmi?
9 Biziň bilmeýän haýsy zadymyzy
bilýärsiň?
Biziň düşünmeýän haýsy
zadymyza düşünýärsiň?
10 Bizde çal saçly-da, gojalar-da
bardyr,
olaryň ýaşlary seň kakaňkydan-
-da uludyr.
11 Hudaýyň saňa berýän tesellileri
kemlik edýärmi?
Hoşamaý söz ýeterlik dälmi ýa
saňa?
12 Ýüregiň nämä möwç alýar?
Gözleriňden näme üçin ot
syçraýar?
13 Näme üçin Hudaýa gazaplanyp,
agzyňdan beýle sözleri
çykarýarsyň?
14 Tämiz bolar ýaly, ynsan kim
bolupdyr?
Ynsandan doglan dogry bolup
bilermi?
15 Hudaý hatda Öz perişdelerine
ynam etmeýär,
gökler-de Onuň nazarynda
tämiz däl.
16 Etmişi suw kimin içýän,
ýigrenji, bozuk ynsana Hudaý
neneň ynam etsin.

17 Diňle meni, saňa düşündireýin,
görenimi beýan edeýin,
18 akyldarlaryň aýdanlaryny,
ata-babalarynyň gizlemedik
pähimlerini.
19 (Ýurt diňe aralarynda gelmişek
bolmadyk
ata-babalara berlendi.)
20 Pisler bütin ömrüne ejir
çekýändirler,
zalymlara berlen ýyllar
sanalgydyr.
21 Elhenç sesler olaryň gulagyndan
gitmez,
asudalykdaka olaryň üstüne
talaňçy döküler.
22 Garaňkylykdan gutuljagyna
ynam ýokdur olarda,
olaryň takdyry gylyçdyr.
23 „Niredekä?“ diýip, bir döwüm
nan üçin sergezdanlyk
edýärler,
garaňkylyk gününiň
ýakyndygyny bilýärler.
24 Alada we horluk olary
gorkuzýar,
söweşe taýynlanan şa kimin
olara hüjüm edýär.
25 Çünki pisler Hudaýa garşy el
göterýär,
Gudratygüýçlä garşy çykýar.
26 Boýnuýogynlyk edip, galyň,
ýumry galkany alyp,
Hudaýyň üstüne topulýarlar
olar.

27 Ýüzlerinden ýag damyp,
billerini ýag alsa-da,
28 weýran edilen şäherlerde,
harabaçylyga öwrülen,
oturylmaýan, adamsyz öýlerde
ýaşarlar.
29 Hiç haçan baýamazlar, baýlyklary
uzaga çekmez,
mal-mülkleri ýer ýüzüne
ýaýramaz.
30 Garaňkylykdan gaçyp bilmezler,
pudaklaryny ýalyn ýok eden
agaç kimin bolarlar,
Hudaýyň demine ýok bolarlar.
31 Boşluga bil baglap, özlerini
aldatmasynlar,
çünki boşluk olaryň muzdy
bolar.
32 Wagtyndan öň işi gaýdar,
pudaklary gögermez.
33 Gök üzümleri dökülen üzüm
agajy,
gülleri dökülen zeýtun agajy
ýalydyr olar.
34 Çünki hudaýsyzlaryň jemagaty
gysyr galar,
parahorlaryň-da çadyrlaryny
ot alar.
35 Olar hasratdan hamyla bolup,
pislik doguryarlar,
içleri hem hileden doludyr».

## 16-njy bap

### *Eýýup Elipaza jogap berýär*

1 Eýýup şeýle diýdi:
2 «Men bular ýaly zatlary köp
eşitdim.
Siziň baryňyz dereksiz teselli
berijiler!
3 Boş sözleriňiz haçan gutarjak?
Sizi dawalaşmaga mejbur edýän
zat näme?
4 Siz meniň ýerime bolan
bolsadyňyz,
menem siziň ýaly gepläp
bilerdim.
Size garşy akgynly sözläp,
başymy ýaýkardym.
5 Sizi öz sözlerim bilen
ruhlandyrardym,
köşeşdiriji sözlerim derdiňizi
ýeňlederdi.

6 Geplesem-de derdim ýeňlemeýär,
dymanym bilen janym aram
tapmaýar.
7 Ýa Hudaý, Sen meni halys tapdan
düşürdiň,
bütin hojalygymy weýran etdiň.
8 Gurpsuzlygym muňa şaýatlyk
edýär,
mejalsyzlygym garşyma
güwälik edýär.
9 Hudaý maňa ýigrenç bilen
seredip, gaharyna meni
parçalaýar,
Ol maňa dişlerini gyjaýar,
duşmanymyň gözleri içimden
geçýär.
10 Adamlar maňa agyzlaryny
öweldip,
meni masgaralap, ýaňagyma
urýarlar,
garşyma dil birikdirýärler.
11 Hudaý meni näletkerdeleriň,
pisleriň eline berdi.
12 Rahatlykda ýaşaýardym, emma
Hudaý meni sarsdyrdy,
boýnumdan tutup, bölek-bölek
etdi,
meni Özüne nyşana edindi.
13 Onuň kemançylary daşymy
gurşaýar,
rehimsizlik bilen böwrümi deşýär,
ödümi ýere dökýär.

14 Bedenimi dilim-dilim edýär,
urşujy kimin üstüme topulýar.

15 Egnime jul tikindim,
başymy toza sokdum.
16 Aglamakdan ýaňa ýüzüm
gyzarýar,
gözümi tüm garaňkylyk örtýär.
17 Ýöne men jenaýat etmedim,
dilegim-de päkdir.

18 Eý, toprak, ganymyň üstüni
örtme,
perýadym asla diňmesin.
19 Ine, şu pursat şaýadym gökde,
hemaýatkärim ýokarda.
20 Dostlarym meni masgaralaýarlar,
Hudaýa göz-ýaş edýän.
21 Adamzat ogly bilen goňşusynyň
arasynda bolşy ýaly,
ynsan bilen Hudaýyň
arasynda-da bir töwellaçy
bolsady!

22 Barsa-gelmeze giderin
birnäçe ýyldan».

## 17-nji bap

### *Eýýup sözüni dowam edýär*

1 «Ruhum syndy, günlerim tamam,
maňa gabyr garaşýar.
2 Daş-töweregim ýaňsylaýjylardan
doly,
gözüm olaryň duşmançylygyny
görýär.

3 Özüň maňa kepillik bergin,
Senden başga maňa kim kepil
boljak?
4 Olaryň aňyny düşünjeden
gizlediň,
şonuň üçin olary beýgeltmersiň.
5 Para üçin dostlaryny satýanlaryň
çagalarynyň gözleri kör bolar.

6 Hudaý meni ile gep etdi,
olar ýüzüme tüýkürýärler.
7 Gaýgydan ýaňa gözüm küteldi,
on iki synam çöpe döndi.
8 Dogruçyl adam derdime aňk
bolýar,
bigünä-de hudaýsyza garşy
gazap atyna atlanýar.
9 Dogruçyllar öz ýollaryny tutarlar,
eli tämizleriň güýji artar.

10 Emma hemmäňiz gaýdyp
gelseňiz-de,
araňyzdan akylly adam
tapmaryn.
11 Günlerim tamam,
niýetlerim, ýürek arzuwlarym-
-da puja çykdy.
12 Olar gijäni gündiz edýärler,
„Ýagtylyk garaňkylyga ýakyn“
diýýärler.
13 Ölüler dünýäsini öýüm dek
küýsesem,
düşegimi garaňkylykda ýazsam,
14 gabra: „Sen atamsyň“,
gurda: „Sen enemsiň, uýamsyň“
diýen bolsam,
15 onda umydym hany?
Umydymy görjek kim?
16 Umyt meniň bilen ölüler
dünýäsine iner öýdýäňmi?
Meniň bilen bile göre girermi?»

## 18-nji bap

### *Bildat Eýýuba jogap berýär*

1 Onsoň şuwaly Bildat şeýle diýdi:
2 «Ne zaman gutarjak sözüňi?
Oňatja pikirlen, onsoň
gepleşeris,

3 biz näme üçin haýwan
saýylýarys,
näme üçin akmak görünýäris
gözüňe?
4 Gaharyňa öz janyňa zor
salýarsyň,
sen diýip dünýä terk edilsinmi?
Gaýalar süýşsünmi?

5 Pisleriň yşygy sönýär,
ot ýalynlary parlamaýar.
6 Çadyryndaky nur garaňkylyga
öwrülýär,
depelerindäki çyrasy sönýär.
7 Gadamlarynyň bady gowşaýar,
öz işleri ýykýar olary.
8 Öz aýaklary bilen tora düşýärler,
özleri garyma ýykylýarlar.
9 Aýagy gapana düşýär,
olary duzak gapjaýar.
10 Olar üçin ýere syrtmak çekilýär,
ýollaryna duzak gurulýar.
11 Çar tarapdan howp abanýar olara,
howp olaryň söbügine düşýär.
12 Güýç-kuwwat galmaz açlykdan
ýaňa,
ýanlaryndan betbagtçylyk
aýrylmaz.
13 Derilerini dert iýýär,
el-aýaklaryny ölüm ýuwudýar.
14 Ynam eden çadyryndan alnyp
gidilip,
howplar şasynyň ýanyna
getirilýär.
15 Çadyrlarynda hiç zat galmaýar,
ýurtlaryna kükürt ýagdyrylýar.
16 Kökleri guraýar aşakda,
şahalary solýar ýokarda.
17 Ýer ýüzünde olaryň atlary
unudylýar,
köçelerde atlary ýatlanylmaýar.
18 Ýagtylykdan garaňkylyga itilip,
dünýäden kowulýarlar.
19 Halkynyň arasynda ne zürýady,
ne-de nebereleri bar,
mesgeninde yzynda hiç kim
galmaýar
20 Öňki nesiller olaryň takdyryna
haýran galýarlar,
howp gurşaýar soňky nesilleri.
21 Şeýle bolýandyr erbediň
kysmaty,
Hudaýy tanamaýanyň mesgeni
şudur».

**19-njy bap**

***Eýýup Bildada jogap berýär***

1 Eýýup şeýle diýdi:
2 «Haçana deňeç meni gynap,
sözleriňiz bilen pagyş-para
etjek?
3 On mertebe göwnüme degdiňiz,
utanaňzokmy şeýle ezýet
bermäge?
4 Dogrudanam, hata iş eden
bolsam,
hatam öz boýnuma.
5 Özüňizi öňümde ýokary tutup,
aýybymy ýüzüme ursaňyz,
6 şuny bilip goýuň, Hudaý meni
nähak saýdy,
Ol daşyma Öz toruny çekdi.

7 „Bu – zorluk“ diýip perýat
edýärin,
emma jogap berýän ýok.
Medet diläp ýalbarýaryn,
emma adalat ýok.
8 Ýoluma germew çekdi, geçip
bilemok,
ýodalarymy garaňkyratdy.
9 Meni at-abraýdan düşürip,
başymdan täjimi aldy.
10 Meni çar tarapdan gysyp-
-gowurdy, sandan galdym,

umydymy agaç deýin köki bilen
sogurdy.
11 Ol maňa gazaplanýar,
meni Özüne duşman saýýar.
12 Leşgerleri üstüme hüjüm
edýärler,
maňa garşy ýapgyt galdyrýarlar,
çadyrymyň töwereginde
düşelge gurýarlar.

13 Garyndaşlarymy menden
daşlaşdyrdy,
tanyşlarym maňa ýat boldular.
14 Ýakynlarym meni ret etdiler,
dostlarym meni unutdylar.
15 Saçagymdan duz iýenler hem
unutdylar meni,
hatda öz gyrnaklarym-da meni
ýat saýýarlar,
olaryň gözüne men bir keseki.
16 Hyzmatkärimi çagyrýan, ýöne
jogap ýok,
ýalbar-ýakar etmeli bolýan
özüm.
17 Demim aýalymda ýigrenç
döredýär,
öz maşgalam meni ýigrenýär.
18 Ýaş çagalar-da meni
kemsidýärler,
aýaga galanymda, meni
ýaňsylaýarlar.
19 Içgin dostlarym meni
ýigrenýärler,
eý görenlerim menden ýüz
öwürdiler.
20 Diňe ham bilen süňke öwrüldim,
ölümiň bäri ýanynda durun
men.
21 Maňa rehim ediň, eý, dostlarym,
rehim ediň, maňa!
Çünki Hudaý maňa el urdy.
22 Näme üçin sizem Hudaý ýaly
meni yzarlaýarsyňyz,
näme meniň tenimden
doýmaýarsyňyzmy?

23 Wah, meniň sözlerim ýazylsady!
Wah, olar kitaba ýazylsady!
24 Wah, sözlerim demir galam we
gurşun bilen
gaýanyň ýüzüne ebedilik
oýulyp ýazylsady!
25 Çünki men Penakärimiň
diridigini,
ahyrynda Onuň bu ýerde
durjakdygyny bilýärin.
26 Hamym çüýränden soňam
tenimde Hudaýy görerin.
27 Hudaýy keseki gözi bilen däl-de,
öz gözlerim bilen görerin,
ýüregim üzülip barýar.
28 „Biz ony nähili yzarlarys?
Belanyň körügi Eýýupdyr“
diýseňiz,
29 siz gylyçdan heder ediň,
çünki gazap gylyç jezasyny
getirýär,
şonda hökümiň bardygyny
bilersiňiz».

## 20-nji bap

### *Sopar Eýýuba jogap berýär*

1 Onsoň nagamly Sopar şeýle diýdi:
2 «Gulak goý! Pikirlerim jogap
bermäge mejbur edýär,
mundan artyk saklanyp bilmerin.
3 Sözleriň bilen meni kemsidýäň,
düşünjäm saňa jogap berdirýär.

4 Owaldan bäri,
ynsanyň dünýä gelşinden bäri
bilmeýärmidiň muny?
5 Pisleriň heşellesi wagtlaýyndyr,
hudaýsyzyň şatlygy bir
salymlykdyr.

6 Olaryň boýy hatda göklere ýetip,
başlary bulutlara degse-de,
7 pisler öz nejasaty kimin baky ýok
bolarlar,
olary tanaýanlar: „Olar nirede?“
diýerler.
8 Düýş kimin uçup giderler,
gijeki görnüş kimin gaýyp
bolarlar.
9 Bir gören göz gaýdyp görmez
olary,
mekany-da olary ikilenç
görmez.
10 Ogullary pukaralaryň öňlerinde
özlerini kiçelderler,
elleri bilen olaryň baýlygyny
yzyna gaýtararlar.
11 Bedenleri ýaşlyk gujuryndan doly
hem bolsa,
olar bilen toprak astynda
ýatarlar.

12 Hatda ýamanlyk agza datly
görnüp,
ony diliniň astynda
gizleseler-de,
13 ýamanlygy saklap, goýbermän,
agyzlarynda saklasalar-da,
14 iýenleri aşgazanynda turşar,
içlerinde ýylanyň zäherine
döner.
15 Baýlygy ýuwudyp, ýene gusýarlar
ony,
Hudaý ony içlerinden çykarýar.
16 Ýylanlaryň zäherini sorarlar,
alahöwreniň dişi olary öldürer.
17 Akar suwlaryň,
baldyr gaýmak akýan dereleriň
hözirini görmezler.
18 Gazananlaryny iýmän, yzyna
gaýtararlar,
eden söwda-satygyndan haýyr
görmezler.
19 Çünki pukaralary ezip, olardan
ýüz öwürdiler,
öz gurmadyk öýlerini eýelediler.

20 Açgözlükden kalplary rahatlyk
tapmaz,
arzyly zatlary olary halas etmez.
21 Iýenlerinden artany bolmady,
munuň üçin rowaçlyklary uzaga
çekmez.
22 Bollukda azap çekerler,
depelerinden muşakgat iner.
23 Garynlaryny doýranlarynda,
Hudaý lowlaýan gazabyny
üstlerine döker,
gazabyny başlaryndan iýmit
kimin ýagdyrar.
24 Demir ýaragdan gaçyp gutulsalar,
bürünç ýaý içlerinden parran
geçer.
25 Ok içlerinden böwsüp geçer,
ýalpyldaýan ujy böwürlerinden
çykar,
üstlerine howp abanar.
26 Tüm garaňkylykda hazynalary
ýok bolar,
üflenmedik ot olary ýuwudar,
çadyrlarynda galanlaryny
ýakyp ýok eder.
27 Gökler şaýatlyk eder etmişlerine,
bütin älem-jahan olara garşy
çykar.
28 Hudaýyň gazap güni
öýleri emlägi bilen süpürilip
äkidiler.
29 Ine, şudur pisleriň Hudaýdan
aljak paýy,
Hudaýyň olara beren mirasy».

## 21-nji bap

### *Eýýup Sopara jogap berýär*

1 Eýýup şeýle diýdi:

2 «Dykgat bilen gulak goýuň
sözüme,
goý, bu siziň maňa berjek
teselliňiz bolsun.
3 Gezek beriň, men gepläýin,
sözümi gutaranymdan soň
masgaralaň.

4 Ynsana arz-şikaýat edýänmi men?
Neneň janym ýanmasyn?
5 Halyma seredip, akylyňyz
çaşsyn,
eliňizi agzyňyza tutuň.
6 Derdimi ýada salanymda,
galagoplanýaryn,
süňňüme galpyldy aralaşýar.
7 Näme üçin pisler ýaşaýarlar,
gojalyga ýetip, gujur-gaýratlary
artýar?
8 Perzentleri ýanlarynda,
zürýatlary gözleriniň alnynda.
9 Öýlerinde howpsuzlykda,
gorkusyz ýaşaýarlar,
Hudaý-da olara jeza bermeýär.
10 Öküzleri kemsiz örňeýär,
sygyrlary guzlýar, göle
düşmeýär.
11 Çagalaryny süri kimin ýola
salýarlar,
oglanlary tans edişýärler.
12 Deprek, lira bilen aýdym
aýdyşyp,
şatlanýarlar olar tüýdük sesine.
13 Ömürlerini hoşwagtlykda
geçirip,
ölüler dünýäsine asudalykda
girýärler.
14 Pisler Hudaýa şeýle diýýärler:
„Bizi öz günümize goý!
Çünki biz Seniň ýoluňy
öwrenmek islemeýäris.
15 Gudratygüýçli kim bolupdyr
Oňa sežde ederimiz ýaly?
Oňa dileg edip, görýän
haýrymyz näme?“
16 Rowaçlygy öz ellerinde dälmi
näme?
Pisleriň nesihaty menden
uzakda bolsun!

17 Pisleriň çyrasy näçe gezek öçdi?
Başlaryna üznüksiz
betbagtçylyk abananyny
gördüňmi?
Hudaý gazabyna olary görgä
duçar edýärmi?
18 Haçan olar ýele sowrulýan
saman ýaly,
tüweleý öňündäki saman çöpi
ýaly boldular?
19 Siz: „Hudaý atalarynyň jezasyny
çagalaryna çekdirýär“
diýýäňiz.
Goý, atalaryň muny bileri ýaly,
Hudaý olara almytyny bersin.
20 Atalar heläkçiligini öz gözleri
bilen görsünler,
olar Gudratygüýçliniň
gazabyndan içsinler.
21 Çünki bu dünýäden ötensoňlar,
yzlarynda galan hojalygyndan
näme gaýgysy bolsun?
22 Gökdäkilere höküm edýän
Hudaýa
akyl berip biljek barmydyr?
23 Biri sagatka ölýär,
büs-bütin rahat we gaýgysyz.
24 Eti-gany ýerinde bolup,
süňkleri ýilikden doludyr.
25 Beýleki biri dert çekip,
gowulyga gözi düşmän ölýär.
26 Olar toprak astynda bile
ýatýarlar,
üstlerini gurtlar basýar.

27 Bilýän men siziň pikirleriňizi,

garşyma edýän
dildüwşükleriňizi.
28 Çünki siz: „Asylzadaň öýi
nirede?
Pisleriň çadyry nirede?“
diýýäňiz.
29 Ýolagçylardan soramadyňyzmy?
Şaýatlyklaryna gulak
asmadyňyzmy?
30 Pisler peläket güni aman galýarlar,
Hudaýyň gazaply gününden
gutarylýarlar.
31 Pisleriň hereketlerini kim
ýüzlerine basjak?
Etmişlerine görä kim olara jeza
berjek?
32 Olar gabra getirilende,
mazarlarynyň başynda sakçy
goýulýar.
33 Jaýlanan topragy olara
ýakymlydyr,
hemmeler olaryň yzyna düşerler,
olaryň öňünden gidenler
san-sajaksyzdyr.
34 Siz boş sözleriňiz bilen maňa
näme teselli berjek?
Bar diýýän zatlaryňyz galpdyr».

## 22-nji bap

### *Elipaz Eýýuba jogap berýär*

1 Teýmanly Elipaz şeýle diýdi:
2 «Ynsan Hudaýa ýaramly bolup
bilermi?
Hatda iň akyldaryň Oňa
peýdasy degermi?
3 Dogrulygyňdan Gudratygüýçli
näme lezzet alýar?
Päk durmuşda ýaşaýanyň
Hudaýa näme haýry bar?
4 Hudaýyň seni jezalandyrmasy,
höküm etmesi
Ondan gorkýandygyň üçinmi?
5 Erbetligiň ummasyz,
etmişleriň tükeniksiz dälmi?
6 Çünki öz doganyňdan nähak
girew aldyň,
eşiklerine çenli sypyryp, olary
ýalaňaç goýduň.
7 Ýadawa içmäge suw bermediň,
açdan çöregiňi gysgandyň.
8 Ine, güýçlüler ülkä eýe bolýandyr,
hormatlanýan onda ýaşaýandyr.
9 Dul hatynlary yzyna boş
goýberdiň,
ýetimleri ezdiň.
10 Munuň üçin daş-töweregiň
duzaklar bilen gurşalýar,
duýdansyz gorky seni
galagopluga salýar.
11 Hiç zady görüp bilmeziň ýaly,
garaňkylyk seni basýar,
sil gelip, seni gark edýär.

12 Hudaý gökleriň ýokarsynda
dälmidir?
Ýokardaky ýyldyzlara nazar sal,
olar, gör, nähili belentlikde!
13 Şonuň üçin sen: „Hudaý nämäni
bilýär?
Ol tüm garaňkylyk içinden
höküm edip bilýärmi?
14 Bulutlar Oňa tutudyr, Ol görüp
bilmez,
Ol gök gümmezinde gezýändir“
diýýäň.
15 Pisleriň ýörän
köne ýoluny tutjakmy?
16 Olar wagtyndan öň ýygnaldylar,
düýplerini suw aldy.
17 Olar Hudaýa: „Bizi öz günümize
goý!
Gudratygüýçli, sen bize näme
edip bilersiň?“ diýdiler.
18 Şonda-da Hudaý öýlerini bereket
bilen doldurdy,

pisleriň maslahaty menden
uzakda bolsun!

19 Dogruçyllar pisleriň weýran
edilenini görüp begenýär,
bigünä hem olaryň üstünden
gülýär.
20 Olar: „Ýagylarymyz ýok
edildi,
galan zatlary ýanyp kül boldy“
diýýärler.

21 Hudaý bilen dost bol, rahatlykda
bol,
şonda haýyr taparsyň.
22 Gulak goý Onuň agzyndan
çykýan öwüt-ündewe,
sözlerini ýüregiňde sakla.
23 Gudratygüýçlä tarap öwrülseň,
öňki halyňa gowşarsyň,
etmişi çadyryňdan
uzaklaşdyrsaň,
24 altyny topraga,
Opyr tyllasyny jülgedäki
daşlaryň arasyna atsaň,
25 Gudratygüýçlini öz altynyň,
gymmatbaha kümşüň saýsaň,
26 ine, şonda Gudratygüýçlüden
göwnühoş bolarsyň,
Hudaýa ýüz tutarsyň.
27 Hudaýdan dileg edersiň, Ol hem
seni eşider,
sen hudaýýolularyňy berersiň.
28 Ol diýen zadyňy ýerine ýetirer,
ýollaryňa nur çaýylar.
29 Beýlekiler kemsidilende:
„Ýeriňden gal“ diýýäň,
çünki Hudaý pes göwünlileri
halas edýär.
30 Hudaý hatda ýazyklylary-da
halas eder,
olar seniň elleriň tämizligi üçin
gutularlar».

## 23-nji bap

### *Eýýubyň şikaýaty*

1 Eýýup şeýle diýdi:
2 «Bu gün aç-açan arz-şikaýat
edýän,
Hudaýyň eli ahy-zaryma
garamazdan agyr.
3 Wah, Hudaýy nireden
tapmalydygyny bir bilsedim,
Onuň mesgenine barardym.
4 Arzymy Onuň huzurynda beýan
ederdim,
dawalarymy jikme-jik aýan
ederdim.
5 Onuň maňa berjek jogabyny
bilerdim,
aýtjak zadyna düşünerdim.
6 Ol beýik güýji bilen garşyma
çykarmydy?
Ýok, Ol maňa gulak asardy.
7 Dogruçyl adam huzurynda Onuň
bilen dawalaşyp biler,
men Hökümdarymyň ýanynda
hakykat gazanardym.

8 Gündogara gitsem, Hudaý ol
ýerde ýok,
günbatara gitsem, Ony tapyp
bilmeýärin.
9 Demirgazykda işleýär, Ony
gözüm saýgaryp bilenok,
günorta öwrülýär, Ony görüp
bilmeýärin.
10 Emma Ol meniň ýöreýän ýolumy
bilýär,
meni synaga salanda, altyn deý
päk çykaryn.
11 Hudaýy ädimme-ädim
yzladym,
Hudaýyň ýoluny tutup, ondan
çykmadym.

12 Beren tabşyryklaryndan
dönmedim,
sözlerini kalbymda arzylap
sakladym.

13 Hudaý karar çykarýar, kim Oňa
garşy çykyp biler?
Ol islän zadyny edýär.
14 Ýüregine düwenlerini eder Ol,
olaryň ýene, gör, näçesi Onda
bardyr.
15 Şonuň üçin Onuň bilen ýüzbe-
-ýüz bolmakdan eýmenýän,
pikir edenimde, Ondan
gorkýaryn.
16 Hudaý meniň ýüregimi ejizletdi,
Gudratygüýçli meni eýmendirdi.
17 Garaňkylyk meni ýok etsedi,
ýüzümi zulmat örtsedi».

**24-nji bap**

***Eýýup şikaýatyny dowam edýär***

1 «Näme üçin Gudratygüýçli
hüküme wagt bellemeýär?
Näme üçin Ony tanaýanlar bu
günleri görmeýärler?
2 Adamlar araçäk daşlary
süýşürýärler,
sürüleri ogurlaýarlar-da,
bakýarlar.
3 Ýetimleriň eşegini ogurlap
äkidýärler,
dul hatynyň öküzini girew
alýarlar.
4 Mätäçleri ýoldan kowýarlar,
ýurduň garyplary olardan
bukulýarlar.
5 Çöldäki gulanlar kimin,
ýoksullaryň hersi bir ýana
dagap gidýär,
Olar çagalary üçin çölde iýmit
gözleýärler.
6 Iýmitlerini kesekileriň ekin
meýdanyndan ýygnamaly
bolýarlar,
erbetleriň üzüm bagyndan
galan-gaçanyny ýygýarlar.
7 Gije eşiksiz, ýalaňaç ýatýarlar,
sowukda ýapynmaga
ýorganlary ýok.
8 Daglara ýagan çabgadan
ezilýärler,
gaýany pena edinip
gujaklaýarlar.
9 Süýtden aýrylmadyk ýetim çaga
ogurlanýar,
garybyň çagasy girew alynýar.
10 Olar daşarda ýalaňaç enteýärler,
aç garna bugdaý desselerini
daşaýarlar.
11 Daşlaryň arasynda ýag üçin
zeýtuny ýençýärler,
şerap üçin üzüm sykýarlar,
emma özleri teşnedir.
12 Şäherlerden ölüp barýanlaryň
iňňildisi eşidilýär,
jany hasratlylar perýat edýärler,
emma şonda-da Hudaý olaryň
dileglerine üns bermeýär.

13 Ine, ýagtylyga garşy baş
göterýänler bar,
ýagtylygyň ýoluny tanamaz olar,
onuň ýodalaryndan ýöremezler.
14 Garyby, ýoksuly öldürmek üçin,
ganhor alagaraňkylykda
oýanýar,
gijesine bolsa ogurlyk edýär.
15 Zyna edýänleriň gözi
alagaraňkylykdadyr,
hiç kim görmez öýdýärler,
ýüzlerini büreýärler.
16 Gijesine öý talaýarlar,
gündizine gizlenýärler,
Ýşygyň nämedigini bilmeýärler.

17 Çünki säher olara tüm
garaňkylykdyr,
tüm garaňkylygyň howplaryna
öwrenişen olar.

18 Pisler suwuň ýüzündäki köpük
kimindir,
olaryň ýer paýy näletlenendir,
hiç kim olaryň üzüm bagyna
aýak basmaz.
19 Guraklygyň we yssynyň gar
suwlaryny sorup alşy deý,
ölüler dünýäsi-de günäkärleri
ýuwudýandyr.
20 Olary ene ýatgysy unudýar,
gurt olary iýip, lezzet alýar,
olar hiç kimiň ýadyna düşmeýärler,
adalatsyzlyk agaç kimin
syndyrylýar.
21 Pisler önelgesiz aýala sütem
edýärler,
dul hatyna ýagşylyk etmeýärler.
22 Hudaý gudraty bilen güýçlüleri
ýere çalýar,
olar beýgelseler-de, ýaşamaga
umytlary galmaz.
23 Hudaý olara howpsuzlyk berýär,
olar Oňa daýanýarlar,
Onuň gözi olaryň ýollaryndadyr.
24 Bir salym göterilip, soňra ýitirim
bolýarlar,
başgalar ýaly gurap, ýok
bolýarlar,
däne başlary kimin kesilýärler.
25 Men nähak bolsam, ýalançylygymy
kim subut etjek?
Kim sözlerimiň dereksizdigini
görkezjek?»

## 25-nji bap

### *Bildadyň sözi*

1 Şuwaly Bildat şeýle diýdi:
2 «Hudaý gudratly we haýbatlydyr!
Gökde asudalygy berýän Oldur.
3 Goşunyny sanamaga san
ýetjekmi?
Güni kimiň üstüne dogmaz?
4 Ynsan Hudaýyň öňünde nädip
dogry bolup biler?
Ynsandan doglan nädip päk
bolup biler?
5 Hatda Hudaýa Aý şugla saçmasa,
ýyldyzlar Oňa öçügsi görünse,
6 onda ynsan Hudaýyň gözüne
gurçukça,
adamzat-da gurtça görner!»

## 26-njy bap

### *Eýýup Bildada jogap berýär*

1 Eýýup şeýle diýdi:
2 «Sen kuwwatsyza nähili ýardam
etdiň!
Güýçsüze nähili medet berdiň!
3 Akmaga nähili paýhas berdiň,
paýhassyza nähili öwüt berdiň!
4 Bu sözleri saňa öwreden kim?
Sen arkaly gepleýän kimiň ruhy?

5 Çuň suwlaryň astyndaky ölüler
öz mekanlarynda titreşýärler.
6 Hudaýyň öňünde ölüler dünýäsi
ýalaňaçdyr,
heläkçilik ýeriniň örtügi ýokdur.
7 Hudaý gökleri boşlugyň üstüne
ýazýar,
ýeri-de hiç zatdan asýar.
8 Suwlary bulutlaryň içinde
saklaýar,
bulutlar olaryň agramyna
böwsülmeýär.
9 Tagtynyň ýüzüni büreýär,
üstüni bulut bilen örtýär.
10 Ýagtylyk bilen garaňkylygyň
arasyna,

suwlaryň ýüzüne serhet çekdi.
11 Gögüň sütünleri sarsýar,
Hudaýdan gorkularyna titreşýär.
12 Güýji bilen deňzi togtatdy Ol,
äpet Rahaby ýok etdi paýhasy
bilen.
13 Gökler Onuň demi bilen gözel
boldy,
aždarhany eli bilen ýok etdi.
14 Ujypsyzja bölegidir bular Onuň
ýollarynyň,
Ol hakda eşidýänlerimiz, gör,
nähili az!
Düşünip biljek barmy
gudratynyň beýikligine
Onuň?»

## 27-nji bap

### *Eýýup sözüni dowam edýär*

1 Eýýup sözüni dowam edip, şeýle diýdi:
2 «Hakymdan mahrum eden
Hudaýyň,
maňa ajy hasrat çekdiren
Gudratygüýçliniň adyndan ant
içýän,
3 içimde janym,
burnumda Hudaýyň demi barka,
4 haky sözlärin diňe,
dilime alman nähak söz.
5 Sizi aklamaryn asla,
tä ölýänçäm, päkligimde galaryn.
6 Dogrulygymy pugta saklaryn,
goýbermen,
ömürboýy paş etmez meni
wyždanym.

7 Goý, duşmanlarym erbetleriň
gününe,
garşydaşlarym pisleriň gününe
düşsün!
8 Hudaý hudaýsyzy ýok edip,
janyny alansoň,
onda näme umyt bolsun?
9 Üstüne betbagtçylyk abananda,
Hudaý onuň perýadyny
eşidermi?
10 Gudratygüýçlüden hoşal bolarmy
ol?
Ol her zaman medet dilärmi
Hudaýdan?
11 Size Hudaýyň gudratyny,
ýaşyrman aýan ederin
Gudratygüýçliniň ýollaryn.
12 Muny öz gözüňiz bilen gördüňiz,
näme üçin beýle boş gürrüň
edýäňiz?

13 Şudur Hudaýyň erbetlere berjek
paýy,
Gudratygüýçliniň zalymlara
berjek mirasy:
14 Näçe köp bolsa-da, ogullary
gylyçdan gyrylýarlar,
zürýatlary-da açlykdan.
15 Aman galanlary gyrgyndan ölüp
gömlerler,
dul hatynlary ýasyn tutmaz
olaryň.
16 Kümşi çäge kimin ýygnap,
geýim baryn toplasalar-da,
17 dogruçyllar geýer olary,
bigünäler paýlaşarlar ol
kümüşleri.
18 Höwürtgeler ýaly,
sakçyň çatmasy ýaly
dikýärler öýlerini.
19 Barly baýlyk bilen uka gidenem
bolsa,
gözüni açanda, tapmaz baýlygyn.
20 Olary gorky basýar sil kimin,
gijesine tüweleý uçuryp äkidýär.
21 Sörtük ýeli öz ugruna göterip
äkidýär,
olary öz mesgenlerinden
süpürip taşlaýar.

22 Gazap bilen üstlerine okdurylýar
ýel,
bu gazaply ýelden gaçmaga
synanyşýarlar.
23 Ýel olara el çarpyp,
ýerinden sykylyk atýar».

## 28-nji bap

### *Paýhas öwgüsi*

1 «Elbetde kümşüň käni,
altynyň eredilýän göweji bardyr.
2 Demir ýerden alynýar,
mis daşdan eredilýär.
3 Ynsan garaňkylygyň soňuna
çykýar,
zulmatda mis agtaryp,
tüm garaňkylykda ýeriň aňry
çägine ýetýär.
4 Ynsan aýagy degmedik ýerlerde,
ýüplerden aşak sallanyp,
ilatsyz ýerde magdan gazýar.
5 Ýerden çörek önýär,
asty bolsa ot bilen oýuk-oýuk
edilýär.
6 Daşlary gök ýakudyň mekany,
topragynda altyn bar.
7 Bu ýodany ýyrtyjy guş bilýän
däldir,
oňa algyryň gözi düşmedik asla.
8 Buýsanjaň haýwanlar ol ýere aýak
basan däldirler,
arslanyň-da aýagy degen däldir
oňa.
9 Magdançylar gaýalary agtaryp,
daglaryň düýbüne çenli
gazýarlar.
10 Gaýalaryň içinden magdan gazyp
alýarlar,
gözleri gymmatbaha zatlaryň
gözlegindedir.
11 Çeşmeleriň akymyny togtadyp,
gizlin hazynalary ýüze
çykarýarlar.

12 Emma paýhas nireden gelýär?
Düşünjäniň gözbaşy nirede?
13 Paýhasyň gadyryny bilmeýär
ynsan,
tapylgysyzdyr ol bu dünýäde.
14 Çuňluk: „Ol mende ýokdur“
diýýär,
deňiz: „Ol mende däl“ diýýär.
15 Ne sap altyna, ne-de kümşe,
çalşyp bolýar ony.
16 Opyr altyny, gymmatbaha
hakyk,
gök ýakut onuň bahasyna
ýetmez.
17 Ne altyn, ne-de göwher oňa taý
geler,
ony sap altyn gaplara çalşyp
bolmaz.
18 Merjen bilen dürüň-ä adam
agzalmasyn,
paýhasyň bahasy lagyldanam
gymmatlydyr.
19 Efiopiýa topragynyň gök ýakudy
oňa taý gelmez,
hatda sap altyn bilen hem baha
kesip bolmaz.

20 Onda paýhas nireden gelýär?
Düşünjäniň gözbaşy nirede?
21 Ähli janly-jandardan
gizlenýändir ol,
gökdäki guşlardan hem
ýaşyrylýandyr.
22 Heläkçilik we Ölüm:
„Diňe paýhasyň myş-myşyny
eşitdik“ diýýärler.
23 Paýhasa ýoly Hudaý bilýär,
onuň mekanyny diňe Ol bilýär.
24 Çünki Hudaý ýeriň aňry çägine
ser salýar,

gökleriň astyndaky ähli zady
görýär.
25 Ýeliň agramyny kesgitläp,
suwlary ölçege görä paýlanda,
26 ýagyş ýagdyryp,
gök gübürdisine ýol açan wagty,
27 Ol paýhasy görüp, yglan etdi,
ony tassyklady, soňam synady.
28 Onsoň Ol adamzada:
„Ine, Rebden gorkmak – bu
paýhasdyr.
Şerden gaça durmak – bu
düşünjedir“ diýdi».

## 29-njy bap

### *Eýýubyň soňky sözi*

1 Eýýup sözüni dowam edip, şeýle diýdi:
2 «Wah, men ýene öňki aýlara
dolanyp barsadym!
Hudaýyň meni goran
günlerindäki ýaly bolsadym!
3 Şol wagtlar Hudaýyň çyrasy
depäme nur saçardy,
garaňkylykda Onuň nury bilen
ýörärdim.
4 Jahylkam Hudaý maňa ýar bolup,
çadyrymy gorapdy.
5 Şol döwürde Gudratygüýçli
meniň bilendi,
çagalarymyňam bary
töweregimdedi.
6 Ýollarym süýt bilen ýuwlardy,
gaýadan zeýtun ýagy akardy!
7 Şäher derwezesine baranymda,
meýdançada oturmaga ýerime
geçenimde,
8 ýaşlar meni görüp, ýol bererdiler,
garrylar-da ör turardylar.
9 Han-begler-de gürrüňlerini bes
edip,
elleri bilen agyzlaryny
tutardylar.
10 Baştutanlardan ses-üýn
çykmazdy,
olar meniň öňümde lal-jim
bolardylar.
11 Sözümi eşiden meni öwerdi,
gören-de, meni taryplardy.
12 Çünki men haraý islän garyby,
kömege mätäç ýetimi halas
ederdim.
13 Ölümiň bäri ýanyndakylaryň
alkyşyny alardym,
dul hatynlaryň kalbyna
nagmalar bererdim.
14 Dogruçyllygy eşik kimin geýdim,
ol meni örtdi;
adalatym bolsa don we selle
kimindi.
15 Körlere gözdüm,
agsaklara-da aýakdym.
16 Garyplara atadym,
ýatlaryň hukuklaryny
gorardym.
17 Erbetleriň äňini ýazdyryp,
awuny agyzlaryndan alardym.
18 Men öz ýanymdan şeýle pikir
ederdim:
„Günlerim çäge kimin köp bolup,
öz öýümde asudalykda ölerin.
19 Köklerim suwlara tarap ýaýrap,
şahalaryma bütin gije çyg
düşýär.
20 At-abraýym könelmez,
ýaýym elimde bolar elmydam“.
21 Hemmeler sözlerime sabyrly
gulak goýup,
maslahatymy ses-üýnsüz
diňlärdiler.
22 Sözümi soňlanymdan soň, meniň
bilen dawalaşýan bolmazdy,
sözlerim ýagyş damjalary
kimin ýakymlydy olara.
23 Ýagşa garaşyşlary ýaly maňa
garaşardylar,

sözlerimi ýaz ýagşy deý
içerdiler.
24 Ýylgyryp bakanymda, gözlerine
ynanmazdylar,
nurana ýüzümden
ruhlanardylar.
25 Olara baş bolup, ýol görkezýän
mendim,
leşgerleriň arasyndaky şa kimin,
ýas tutýanlara göwünlik berýän
adam ýaly ýaşardym».

**30-njy bap**

***Eýýup öz derdi barada aýdýar***

1 «Emma indi ýaşkiçiler,
üstümden gülýärler,
atalaryny sürimi goraýan
itleriň ýanynda goýmaga-da
laýyk görmezdim.
2 Olardan maňa ne peýda bar?
Bileklerinde kuwwat ýok.
3 Olar mätäçlikden, açlykdan ýaňa
gije çölde, harabalykda ýer
gemirýärler.
4 Çöldäki ajy otlary ýygýarlar,
iýmitleri sübseligiň köküdir.
5 Olar halk arasyndan kowulýarlar,
halk ogrular ýaly olaryň üstüne
gygyryşýar.
6 Jülgedäki gowaklarda, ýerdäki
çukurlarda,
gaýalaryň arasynda mesgen
tutýarlar.
7 Çalylar arasynda uwlaşyp,
tikenekler astynda biri-birlerine
dyknyşýarlar.
8 Akmak, atsyz-sorsuz ynsan
ogullary
gamçylanyp, ýurtdan çykaryldy.

9 Indi olaryň ogullary meni nagma
bilen ýaňsylaýarlar,
men olar üçin gülki bolup
galdym.
10 Meni ýigrenýärler, menden gaça
durýarlar,
ýüzüme tüýkürmegi-de hiç
zatça görmeýärler.
11 Ýaýymyň kirşini kesip,
Hudaýyň maňa ejir
çekdirendigi üçin,
olar gözümiň alnynda islänini
edýärler.
12 Äjit-mäjitler sagymdan hüjüm
edip,
aýaklarymy büdredýärler,
basyp almak üçin, ýollary
taýýarlaýarlar.
13 Ýolumy bekläp,
meni ýok etmäge çalyşýarlar,
olary togtadýan ýok.
14 Diwar gädiklerinden geçip,
harabalygyň arasyndan üstüme
topulýarlar.
15 Üstüme howp abanýar,
şan-şöhratym ýele sowrulýar,
hoşwagtlygym bulut kimin
geçip gitdi.

16 Indi janym takatdan düşdi,
meni muşakgatly günler gurşap
aldy.
17 Gijesine süňňüm syzlaýar,
janymy gemirýän agyrylar
dynuwsyzdyr.
18 Hudaý gazap bilen ýakamdan
tutýar,
ezenegimden ýapyşýar.
19 Hudaý meni laýa batyrdy,
toza, küle döndüm men.
20 Saňa ýalbarýan, maňa jogap
bermeýäň,
aýaga galýan, Sen gözüňi diňe
maňa dikýäň.
21 Maňa rehimsizlik etdiň,

güýç-gudratyň bilen meni
ezýäň.
22 Meni galdyryp, ýele kowaladýaň,
gaý içinde derbi-dagyn edýäň.
23 Bilýän men, başymdan ölüm
inderjegiňi,
ähli diriler üçin taýynlan ýeriňe
äkitjekdigiňi.
24 Medet diläp perýat edýäne,
betbagta garşy el galdyrmak
bolmaz ahyryn!
25 Gara günliniň halyna
aglamadymmy?
Ýoksullar üçin ýüregim gyýym-
-gyýym bolmadymy?
26 Emma ýagşylyga umyt baglamda,
ýamanlyk geldi,
ýagtylyga garaşanymda, zulmat
geldi.
27 Içim ot alyp, ynjalyk tapmaýar,
muşakgatly günler başyma
düşýär.
28 Güneşsiz hamym garalýar,
jemagat arasynda durup, perýat
edýärin.
29 Şagallara gardaş,
düýeguşlara ýoldaş boldum.
30 Hamym garalyp soýulýar,
süýeklerim gyzdyrmadan ýanýar.
31 Liramyň owazy ýasa,
tüýdügimiň owazy agy sesine
dönýär».

## 31-nji bap

### *Eýýup öz aýypsyzlygyny tassyklaýar*

1 «Boý gyza gyýa göz bilen
bakmajagyma ant içdim.
2 Çünki ýokardaky Hudaýdan
paýym nedir,
gökdäki Gudratygüýçlüden
mirasym nedir diýip pikir
etdim.
3 Erbetleriň başyndan betbagtçylyk,
pislik edýänleriň başyndan bela
inmeýärmi?
4 Ol ýöreýän ýollarymy görüp,
her ädimimi yzarlaýar.
5 Men ýalan sözläp,
hilegärlige ýüz uran bolsam,
6 Hudaý adyl höküm etsin,
meniň päkdigimi bilsin.
7 Aýagym ýoldan çykan bolsa,
ýüregim gözüme eýeren bolsa,
ellerime gara ýokduran bolsam,
8 goý, ekenimi başgalar iýsin,
ekinim köki bilen sogrulsyn.

9 Ýüregimi bir aýala aldyran bolsam,
goňşymyň gapysynda bukuda
ýatan bolsam,
10 goý, aýalym başganyň bugdaýyny
üwesin,
goý, oňa başga erkekler ýanaşsyn.
11 Çünki bu azgynlykdyr,
höküm edilmeli jenaýatdyr.
12 Bu heläkçilik ýerine çenli ýakýan
ot,
bar ekinimi köki bilen ýakar ol.

13 Gulum ýa-da gyrnagym maňa
arz-şikaýat edende,
men olara adalatsyzlyk eden
bolsam,
14 Hudaý aýaga galanda, men näme
ederin?
Ol hasap soranda, Oňa näme
jogap bererin?
15 Enemiň göwresinde meni
ýaradan, olary-da
ýaratmadymy näme?
Göwrede bize şekil beren bir
Hudaý dälmi näme?

16 Garyplary isläninden mahrum
eden bolsam,

dul hatyny umytdan düşüren
bolsam,
17 ýa-da nanymy ýeke iýip,
ýetimler bilen paýlaşmadyk
bolsam,
18 (ýaşlygymdan bäri ýetimlere
atalyk edip geldim,
doglanym bäri dul hatynlara ýol
görkezip geldim)
19 eşiksiz heläk bolany,
ýapynjasy bolmadyk mätäji
görüp,
20 olary goýunlarymyň ýüňi bilen
ýylatmadyk bolsam,
olar hem bütin ýüregi bilen
meni alkyşlamadyk bolsalar,
21 kömekçilerimiň tarapymy
çaljagyna gözüm ýetip,
ýetime el galdyran bolsam,
22 goý, omzum ýazsyn,
golum omzumdan omrulsyn.
23 Çünki Hudaýdan geljek
betbagtçylykdan gorkdum,
beýikliginden ýaňa Onuň
huzurynda durup bilmezdim.

24 Altyna bil baglan bolsam,
sap altyna ynam eden bolsam,
25 ummasyz baýlygyma buýsanyp,
elimiň gazanjyna guwanan
bolsam,
26 parlaýan Güne garap,
asmandaky ajaýyp Aýa bakyp,
27 köňlümiň meýlini azdyryp,
Aýa, güne sežde hökmünde
ýüzüme sylan bolsam,
28 bu hem hököme laýyk etmiş
bolardy,
gökdäki Hudaýy inkär etdigim
bolardy.

29 Duşmanlarymyň heläkçiligine
begenip,
başlaryndan bela inende,
heşelle kakan däldirin.
30 (Gargyş bilen olaryň ölümini
diläp,
dilim bilen günä etmedim.)
31 Çadyrymdakylar: „Eýýubyň
beren etinden
garnyny doýurmaýan barmy?“
diýen bolsalar,
32 (mysapyr köçede ýatan däldir,
çünki gapym mydama
ýolagçylar üçin açykdy)
33-34 mähelleden juda gorkup,
olaryň ýigrenjinden heder edip,
dymyp, daşa çykman,
ýürekde etmişlerimi gizläp,
beýlekiler ýaly ýazyklarymy
ýaşyran däldirin.

35 Wah, maňa bir gulak asýan
bolsady!
Wah, Gudratygüýçli Hudaý,
Sen bir maňa jogap bersediň!
Şonda aýdan zatlarymyň
hakdygyny subut edip,
gol çekerdim!
Wah, Aýyplaýjym hökümleri
ýazyp, elime bersedi!
36 Şübhesiz ony gerşimde göterip,
başyma täç ederdim.
37 Her ätlän ädimimiň hasabatyny
bererdim Oňa,
şazada kimin Onuň huzuryna
barardym.

38 Ýerim maňa garşy perýat eden
bolsa,
onuň keşleri bile aglaşýan
bolsa,
39 tölegsiz ýeriň hasylyndan iýen
bolsam,
ýer eýeleriniň janyna kast eden
bolsam,

40 goý, ol ýerde bugdaý ýerine tiken,
arpa ýerine haşal otlar bitsin!»

Eýýubyň sözleri tamam boldy.

## 32-nji bap

### *Elihu Eýýubyň dostlaryna jogap berýär*

1 Şeýdip, bu üç kişi Eýýup bilen jedelini
bes etdi, çünki Eýýup öz gözüne dog-
ruçyl göründi. 2 Onsoň ram urugyndan,
büz tiresinden bolan Barakeliň ogly
Elihu muňa gazaplandy. Onuň Eýýuba
gaty gahary geldi, sebäbi Eýýup Hudaýy
däl-de, özüni aklady. 3 Elihu Eýýubyň
üç dostuna-da gaty gaharlandy, çünki
olar dogry jogap tapmansoňlar, Hudaý
günäkär ýaly bolup göründi. 4 Elihu beý-
lekilerden ýaş bolandygy üçin, Eýýup
bilen gepleşmäge öz nobatyna garaşdy.
5 Bu üç adamdan jogap ýokdugyny gö-
rende, Elihu gazaplandy.
6 Büz tiresinden bolan Barakeliň ogly
Elihu şeýle jogap berdi:
«Men ýaş, siz garry,
şonuň üçin men çekindim,
öz pikirimi aýtmaga gorkdum.
7 Içimi gepledip: „Goý, gojalar
geplesinler,
ýaşulular paýhas bersinler“ diýdim.
8 Ýöne ynsana içindäki ruh,
Gudratygüýçliniň demi akyl
berýär.
9 Paýhas diňe gojalarda däldir,
hakykata düşünýän diňe
ýaşulular däldir.
10 Şonuň üçin: „Maňa gulak salyň,
men öz pikirimi beýan etsem“
diýýän.

11 Ine, men sözleriňize garaşdym,
aýtjak zadyňyzy agtarýarkaňyz,
parasatly gepiňize gulak
asdym.
12 Sizi dykgat bilen diňledim,
emma hiç biriňiz Eýýubyň
nähaklygyny subut etmediňiz,
hiç biriňiz onuň sözlerine jogap
bermediňiz.
13 Siz: „Biz paýhas tapdyk,
ony Hudaý nähak çykarsyn,
ynsan däl“ diýmäň.
14 Eýýup sözlerini maňa garşy
gönükdirmedi,
oňa siziň sözleriňiz bilen jogap
bermerin.

15 „Olar gorkup, jogap berip
bilmeýärler,
söz tapmaýarlar aýtmaga.
16 Olardan ses-seda çykmaýar,
olar jogapsyz durlar“ diýip,
men garaşaýynmy indi?
17 Men-de öz jogabymy bererin,
öz pikirimi beýan ederin.
18 Çünki men sözden doly,
içimdäki ruh meni gyssaýar.
19 Ine, içim açylmadyk şerap
kimin,
täze meşik kimin ýarylyp
barýar.
20 Gepläp, içimi sowadaýyn,
dil açyp, saňa jogap bereýin.
21 Adamdan ýüz görmerin,
ýaranjaňlyk etmen hiç kime.
22 Ýaranjaňlyk etmegi başarmaýan
men,
ýogsa Ýaradanym meni-de ýok
ederdi».

## 33-nji bap

### *Elihu Eýýuba jogap berýär*

1 «Indi maňa gulak goý, eý, Eýýup,
diýjek sözlerimi diňle.

2 Ine, agzymy açýan,
sözlerim dilimiň ujunda.
3 Sözlerim päk ýürekden çykýar,
her diýjek sözüm hakykatdyr.
4 Hudaýyň Ruhy meni ýaratdy,
Gudratygüýçliniň demi maňa
ýaşaýyş berýär.
5 Başarsaň, maňa jogap ber,
jedelleşige taýynlan-da,
öňümde dik dur!
6 Hudaýyň huzurynda menem edil
seniň ýalydyryn,
menem toprakdan ýaradyldym.
7 Menden gorkmak gerek däl,
hüjümim agyr bolmaz.

8 Gepleriňi öz gulagym bilen eşitdim,
sözleriň gulagymda ýaňlanyp dur.
9 Sen: „Men päk, ýazyksyz,
tämiz, mende etmiş ýokdur.
10 Şonda-da Hudaý maňa garşy
bahana tapýar,
meni Özüne duşman saýýar,
11 aýaklaryma künde salýar,
bütin ýollarymy synlaýar“
diýýärsiň.

12 Emma men saňa diýýän: sen bu
babatda nähak,
çünki Hudaý ynsandan beýikdir.
13 „Ynsanyň hiç bir sözüne jogap
bermeýär“ diýip,
näme üçin Onuň bilen
jedelleşýärsiň?
14 Çünki Hudaý ynsana bir ýola,
düşünmese ikinji ýola-da
gepleýär.
15 Düýş, gijeki görnüş arkaly,
ynsanlary agyr uky basanda,
düşeklerinde ýatyrkalar,
16 ynsanlaryň gulaklaryna gepläp,
olary duýduryşlar bilen
gorkuzýar.
17 Ol muny ynsanlary pis işlerden,
tekepbirlikden saklamak üçin,
18 olaryň janyny gabyrdan,
ömrüni ölümden gutarmak üçin
edýär.
19 Düşeginde agyrylar bilen,
süýekleriniň dynuwsyz
syzlamasy bilen olary
jezalandyrýar.
20 Şonda näsagyň işdäsi kesilip,
ol lezzetli nahary-da ýigrenýär.
21 Teni gurap, göze ilmeýär,
görünmedik süňkleri indi
çykyşyp dur.
22 Bir aýagy gabyrdadyr olaryň,
bärsinden aňyrsy ýakyndyr.
23 Ýöne müňlerden bir perişde araçy
bolup,
ynsana dogruçyllygy aýan
etmäge gelse,
24 oňa rehimi inip:
„Gabyrdan halas et,
men onuň üçin töleg tapdym“
diýse,
25 goý, onuň teni çaganyňky kimin
täzelensin,
ol ýaşlyk döwrüne dolanyp barsyn.
26 Ynsan Hudaýdan dileg edýär,
Hudaý ony kabul edýär,
ol şatlyk bilen Hudaýyň
huzuryna gelýär,
Hudaý onuň dogruçyllygyny
dikeldýär.
27 Ol halkyň öňünde aýdym aýdyp:
„Günä etdim, dogry ýoldan
çykdym,
emma Hudaý maňa jeza bermedi.
28 Ol janymy gabyrdan gutardy,
indi durmuşyň hözirini görerin“
diýýär.

29-30 Ynsanyň janyny gabyrdan
gutarjak bolup,

Olara şatlykly durmuş berjek
bolup,
Hudaý bu zatlary
öwran-öwran gaýtalaýar.
31 Üns ber, Eýýup, maňa gulak goý,
ümsüm bol, men gepläýin.
32 Eger aýtjak zadyň bolsa aýt,
geple, çünki men seni aklamak
isleýän.
33 Ýogsa-da maňa gulak goý,
ümsüm bol, men saňa
paýhaslylyk öwredeýin».

## 34-nji bap

### *Elihu Eýýuby günäkärleýär*

1 Elihu sözüni dowam edip, şeýle
diýdi:
2 «Eý, akylsumaklar, sözlerime
gulak goýuň,
eý, bilimsekler, meni diňläň.
3 Diliň naharyň tagamyny dadyşy
ýaly,
gulak hem sözleri barlaýar.
4 Geliň, hakykaty saýlalyň,
ýagşyny birlikde öwreneliň.
5 Çünki Eýýup: „Men bigünä,
Hudaý meni hakymdan
mahrum etdi.
6 Men hak bolsam-da, ýalançy
saýylýaryn,
ýazyksyz bolsam-da, derdime
em ýok“ diýdi.
7 Eýýup ýaly adam barmy?
Ol ýaňsylamany suw dek içýär.
8 Pislik edýänler bilen ülpet bolup,
erbetler bilen tirkeşýär.
9 Çünki Eýýup: „Hudaýy hoşnut
etmek
ynsana peýda bermez“ diýýär.

10 Muňa görä, eý, bilimsekler, maňa
gulak asyň,
heý-de, Hudaý pislik edermi?
Gudratygüýçli nähaklyk
edermi?
11 Hudaý ynsanlaryň etmişlerini
başlaryndan inderer,
olara öz pälinden tapdyrar.
12 Dogrusy, Hudaý hiç haçan pislik
etmez,
Gudratygüýçli adalaty ýoýmaz.
13 Oňa bütin ýer ýüzüniň üstünden
hökmürowanlygy beren kim?
Bütin dünýäni Onuň
ygtyýarynda goýan kim?
14 Hudaý niýet edip,
Öz ruhuny, demini yzyna alsa,
15 bütin adamzat heläk bolar,
ynsanlar ýene topraga
öwrülerler.

16 Düşünjäň bolsa, diňle,
sözüme gulak goý.
17 Adalaty ýigrenýän höküm sürüp
bilermi?
Dogruçyly, gudratly Bolany
ýazgarjakmy?
18 Ol patyşa: „Sen deýýus“,
beglere: „Siz pis“ diýýär.
19 Han-beglerden ýüz görmeýär,
baýy garypdan ýokary
tutmaýar,
çünki hemmeler Onuň eliniň
ýaradanydyr.
20 Olar göz ýumup-açasy salymda
ölýärler,
adamlar gije lerzana gelip,
dünýäden ötýärler,
güýçlüler hem ynsan eli
degmezden ýok bolýarlar.

21 Hudaýyň gözleri ynsanlaryň
ýoluna dikilgidir,
Ol ynsanlaryň her ädimini
görýär.

22 Pisler gizlener ýaly,
ne garaňkylyk, ne-de tüm
garaňkylyk bar.
23 Öz huzuryna höküme gelsinler
diýip,
ynsanlara gün bellemek gerek
däl Hudaýa.
24 Hudaý barlamazdan güýçlüleri
gyryp,
ýerlerine başgalary goýýar.
25 Hudaý olaryň etmişlerini bilip,
bir gijede olary agdarýar, olar
ezilýärler.
26 Hudaý olary pisligi üçin
hemmäniň gözüniň alnynda
jezalandyrýar.
27 Çünki olar Onuň yzyna
eýermediler,
Onuň ýollaryny äsgermezlik
etdiler.
28 Garyplaryň nalasy Hudaýa baryp
ýetdi,
Ol ezilenleriň nalasyny eşitdi.
29 Ýöne Hudaý ümsüm bolsa, kim
Ony ýazgaryp biler?
Ol ýüzüni gizlese, kim Ony
görüp biler?
Millet bolsun, adam bolsun,
parhy ýok,
30 hudaýsyz adam şalyk sürüp,
halka duzak gurmasyn.

31 Hudaýa: „Jezamy çekdim,
indi pis iş etmerin.
32 Görmeýänimi maňa öwret,
etmiş eden bolsam, indi
gaýtalaman“ diýeniňiz
barmy?
33 Hudaý isleýşiňe görä
saňa adalatlylyk bersinmi?
Sen Ony ret etdiň.
Sen karara gelmelisiň, men däl,
şonuň üçin bilýäniňi aýt.
34 Düşünjesi bolanlar,
meni diňleýän akyldarlar:
35 „Eýýup bilmezden gürleýär,
onuň sözleri manysyz“ diýerler.
36 Erbetler ýaly jogap
gaýtarýandygy üçin,
Eýýup ahyra çenli synagda
bolsun!
37 Çünki ol günäsine günä goşýar,
aramyzda kinaýaly el çarpyp,
Hudaýa garşy gepini köpeldýär».

### 35-nji bap

***Elihu sözüni dowam edýär***

1 Elihu şeýle diýdi:
2 «Seniň: „Hudaýyň öňünde
hakdyryn“ diýmäň
dogry däl Eýýup!
3 Sen Hudaýa: „Günämiň Saňa
näme dahyly bar?
Günäsizlikden näme peýda
gördüm?“ diýýärsiň.
4 Men seni we dostlaryňy
jogapsyz galdyrmaryn.
5 Göklere seredip gör,
bulutlara göz gezdir, olar
senden belent.
6 Günä eden bolsaň, Hudaýa näme
zyýany bar?
Ýazygyň köpelse, Hudaýa zeleli
näme?
7 Dogrulygyň Hudaýa ne peýdasy
bar,
Onuň saňa mätäçligi näme?
8 Pisligiň özüň ýaly adamlara täsiri
ýetýär,
dogruçyllygyň beýleki ynsanlar
üçindir.
9 Ynsanlar agyr sütem astynda
perýat edýärler,
güýçlüleriň elinden gutulmak
üçin ýardam soraýarlar.

[10] Ýöne hiç kim: „Gijesine
aýdymlar berýän
Ýaradanym nirede?
[11] Ol bize ýer ýüzündäki
haýwanlardan köp öwredýär,
bizi gökdäki guşlardan akylly
edýär“ diýmeýär.
[12] Ýamanlyk edýänleriň tekepbirligi
zerarly,
olar nalyş edende, Hudaý jogap
bermeýär.
[13] Elbetde, Hudaý boş nalyşy
diňlemeýär,
Gudratygüýçli oňa ähmiýet
bermeýär.
[14] Hudaýy görmeýärin
diýseň-de,
dawaň Onuň öňündedir, Oňa
garaş.
[15] Indi Hudaý gaharyna jeza
bermeýär,
günä gaty üns bermeýär diýip,
[16] Eýýup biderek sözläp,
hiç zat bilmezden gepini
köpeldýär».

## 36-njy bap

### *Elihu Hudaýyň güýjüni beýan edýär*

[1] Elihu sözüni dowam edip, şeýle diýdi:
[2] «Biraz sabyr et, men saňa
düşündireýin,
Hudaý üçin aýtmaly sözüm bar.
[3] Bilimimi dürli çeşmelerden
toplap,
Ýaradanymyň adyldygyny subut
ederin.
[4] Dogrudanam, sözlerim ýalan däl,
garşyňda duran bilimde
kämildir.

[5] Elbetde, Hudaý gudratly,
hiç kimi kemsitmeýär Ol,
Ol paýhasda gudratlydyr.
[6] Erbetleri diri goýmaz Ol,
ezilenlere adalatlylyk berýär.
[7] Dogrulardan gözüni aýyrmaz,
olary şalar bilen tagtda oturdyp,
mertebelerini ebedilik
beýgeldýär.
[8] Dogruçyllar zynjyr bilen
baglanyp,
azap duzagyna düşürilen
bolsalar,
[9] Hudaý gödek işlerini,
ýazyklaryny
olara aýan etmegi üçindir.
[10] Öwüt-ündewini diňledip,
pislikden dönmekligi buýurýar.
[11] Olar Hudaýa gulak salyp, Oňa
hyzmat etseler,
günlerini hoşwagtlykda,
ýyllaryny şady-horramlykda
geçirerler.
[12] Gulak asmasalar, gylyçdan heläk
bolarlar,
dünýäden pähim-paýhassyz
ötüp giderler.

[13] Hudaýsyzlar gahar-gazaby içinde
saklaýarlar,
Hudaý olary jezalandyrsa-da,
Ondan ýardam dilemeýärler.
[14] Ýaşlykda ölüp gidýärler,
ömürleri azgynlykda gutarýar.
[15] Hudaý ezilenleri azaplaryndan
gutarýar,
muşakgatlylara Özüni eşitdirýär.
[16] Ol seni hem dertden azat edip,
çäksiz giňişlige çykardy,
saçagyňy näz-nygmatlardan
doldurdy.
[17] Indi sen erbetlere hak bolan
jezany çekýäň,
hökümden we adalatdan
gutulyp bilmersiň.

18 Sak bol, baýlyk bilen
aldanaýma,
para gyzygyp, ýoldan
çykaýma.
19 Baýlygyň, egsilmez
güýç-gaýratyň
seni dertden gutaryp bilermi?
20 Halklaryň ýer ýüzünden
ýok ediljek gijesini arzuw etme.
21 Seresap bol! Pislikden ýüz öwür,
seni günäden saklamak üçin
muşakgatlyk iberildi.
22 Hudaýyň gudraty beýikdir,
Onuň ýaly tälim berýän
barmydyr?
23 Hudaýa näme etmelidigini
öwreden kim?
Kim Oňa: „Edeniň telek“ diýip
bilýär?
24 Hudaýyň işlerini öwmegi
unutma,
ynsanlar bu hakda aýdym
aýtdylar.
25 Bütin ynsanlar Hudaýyň işlerini
gördi,
her kes oňa uzakdan seredýär.
26 Hudaý, hakykatdanam, beýikdir,
Onuň beýikligine doly düşünip
bilmeýäris,
Onuň ömür ýyllary akyla
sygmaz.

27 Hudaý suw damjalaryny göge
ýygnap,
ýagyş damjalaryna öwürýär.
28 Bulutlardan ýagyş ýagýar,
ynsanlaryň üstünden bol
ýagmyr ýagdyrýar.
29 Bulutlaryň ýaýradylyşyna,
asmanyň gübürdisine düşünip
bilýän barmy?
30 Hudaý gökde ýyldyrym
çakdyrýar,
deňizleriň düýbüne çenli örtýär.
31 Hudaý halky şeýle dolandyrýar,
olary bolelin iýmit bilen üpjün
edýär.
32 Ýyldyrymy Öz elinde saklap,
Öz bellän ýerinde çakmagy
buýurýar.
33 Gök gümmürdisi apy-tupanyň
ýetip gelýändigini duýdurýar,
hatda mal-gara apy-tupanyň
ýetip gelýänini bildirýär.

## 37-nji bap

1 Gümmürdä ýüregim galpyldap,
agzymdan çykyp gelýär.
2 Diňläň Onuň gümmürdeýän
sesini,
agzyndan çykýan owazy eşidiň.
3 Ýyldyrymy gögüň astyndaky ähli
ýere,
ýer ýüzüniň dört künjegine
iberýär.
4 Onsoň Onuň güňleç sesi
eşidilýär,
Ol gök kimin gümmürdeýär,
Öz bar sesine seslenýär.
5 Hudaýyň sesi täsin gürrüldi
berýär,
biziň akyl ýetirerimizden has
beýik işleri edýär.
6 Çünki Ol gara „ýag“ diýip,
ýagşa-da „güýçli ýag“ diýip
buýruk berýär.
7 Munuň üçin ähli ynsanlaryň işi
togtadylýar,
olar Onuň beýik işlerini şonda
bilerler.
8 Haýwanlar öz hinlerine girýärler,
öz sürenlerinde galýarlar.
9 Harasat öz mekanyndan çykýar,
sowuk güýçli ýelden gelýär.
10 Hudaýyň demine buz emele
gelip,

suw giňişlikleri doňýar.
11 Hudaý bulutlary ygaldan
dolduryp,
olaryň arasyndan ýyldyrymy
ýere pytradýar.
12 Onuň buýrugyna görä,
bütin ýer ýüzüne aýlanýarlar,
Hudaýyň buýruklaryna boýun
bolýarlar.
13 Ýa ynsanlary jezalandyrmak
üçin,
ýa-da ýer ýüzüni suwaryp,
Öz söýgüsini görkezmek üçin,
Ol ýagyş ýagdyrýar.

14 Eýýup, diňle muny,
togta-da, Hudaýyň beýik işleri
hakynda pikirlen.
15 Hudaýyň bulutlary nähili
dolandyrýanyny,
nädip ýyldyrym çakdyrýanyny
bilýäňmi?
16 Bulutlaryň deňagramlylygyny,
kämil Bilimliniň täsin işlerini
bilýäňmi?
17 Ýer ýüzüne günorta ýeli öwüsýän
möwsümde,
eşikleri yssydan endamyna
ýapyşýan sen,
18 guýma bürünç aýna dek berk
bolan asmany
Hudaý bilen bile guýup
bilermiň?

19 Hudaýa näme diýmelidigini bize
öwret,
sözümizi beýan edip bilmeýäris,
çünki biz garaňkylykda.
20 Gürleşmek isleýänimi Hudaýa
aýtmalymy?
Ýuwudylmak isleýän barmy?
21 Şemal geçip, bulutlar syrylanda,
gökde parlaýan nura
hiç kim seredip bilmez.
22 Hudaý demirgazykdan altyn
şöhle saçyp gelýär,
Ol gudratly şöwkete beslenendir.
23 Gudratygüýçli elýetmez, gudratda
beýikdir,
Ol adyldyr, dogrulykda beýikdir,
Ol hiç zulum etmeýär.
24 Şonuň üçinem ynsanlar Ondan
gorkýarlar,
Hudaý olaryň paýhasyna üns
bermeýär».

## 38-nji bap

### *Reb Eýýuba jogap berýär*

1 Onsoň Reb harasadyň içinden Eýýuba
şeýle jogap berdi:
2 «Nadan sözleriň bilen
nesihatymy garalar ýaly kim
bolupsyň?
3 Erkek kimin biliňi berk guşa,
seni sorag etjek, Maňa jogap
ber!

4 Men ýeriň düýbüni tutanymda,
sen niredediň?
Bilýän bolsaň, aýt hany!
5 Ýeriň ölçegini kesgitlän kim?
Sen bulary bilýändirin
öýdýäňmi?
Onuň üstünden ýüp çeken kim?
6 Ýer sütünlerini saklaýan diregler
nämä berkidilen?
Onuň burç daşyny kim goýdy?
7 Şonda daň ýyldyzlary aýdym
aýdyşdylar,
ähli ylahy barlyklar begenjinden
gygyryşdylar.

8 Deňiz ýeri böwsüp çykanda,
onuň öňüne böwet basan kim?
9 Deňzi bulutlar bilen örtüp,

ony tüm garaňkylyga gaplan
Mendirin.
10 Deňze gözenekdir gapy goýup,
oňa çäk çeken-de Mendirin.
11 Deňze: „Şu ýere çenli akyp,
mundan aňryk geçmersiň,
güýçli tolkunlaryň şu ýerde
togtasyn!“ diýdim.

12-13 Şöhlesini ýer ýüzüniň dört
künjegine ýaýradar ýaly,
erbetleri gizlenen ýerinden
silterläp çykarar ýaly,
ömrüňde ir sähere buýruk
berdiňmi?
Daň şapagyna ýerini
görkezdiňmi?
14 Ýer ýüzi möhür basylan toýun,
lybas kimin göze görünýär.
15 Erbetler nurdan mahrum edilýär,
ýokary galdyrylan gol döwülýär.

16 Deňziň gözbaşlaryna baryp
gördüňmi?
Çuňluklaryň düýplerine
gezelenç etdiňmi?
17 Saňa ölüler dünýäsiniň gapylary
görkezildimi?
Tüm garaňkylygyň
derwezelerini gördüňmi?
18 Dünýä giňişligine ser saldyňmy?
Aýt, onda şularyň baryny bilýän
bolsaň.

19 Ýagtylygyň mesgenine gidýän ýol
nirede?
Garaňkylygyň mekany nirede?
20 Olary ýerli-ýerine äkidip
bilermiň?
Olaryň mesgenlerine gidýän
ýodalary bilýäňmi?
21 Sen bulary bilýändirin
öýdýäňmi?
Sen näme şol döwürde
doguldyňmy?!
Şonça ýyllar ýaşadyňmy?

22 Garyň ammarlaryna girip
gördüňmi?
Doly ammarlaryna ser
saldyňmy?
23 Olary betbagtly günler üçin,
gowga we söweş günleri üçin
saklaýaryn.
24 Ýyldyrymyň nireden gelýänini,
gündogar ýeliniň nireden
başlaýanyny bilýäňmi?
25-27 Ynsanyň aýak basmadyk ýerine,
ýaşalmaýan çöle ýagyş ýagsyn,
haraba öwrülen çöl suwdan
ganyp,
ol ýerde ot bitsin diýip,
ýagyş akymlary üçin ýaby,
ýyldyrymlara ýol açan kim?
28 Ýagşyň atasy barmy?
Çyg damjalaryny ýaradan kim?
29 Buz kimiň ýatgysyndan çykdy?
Göklerden düşen gyrawy kim
dogurdy?
30 Suwlar gaty daşa dönýär,
deňziň ýüzi doňýar.

31 Ülker ýyldyzlarynyň
zynjyrlaryny baglap
bilermiň?
Orionyň baglaryny çözüp
bilermiň?
32 Ýyldyzlar toplumyny öz
möwsümlerinde çykaryp
bilermiň?
Uly, Kiçi Ýedigene ýol görkezip
bilermiň?
33 Gögüň kanunlaryny bilýäňmi
sen?
Ýerde olaryň hökümini ýöredip
bilermiň?

[34] Başyňa bol ýagyş ýagsyn diýip,
bulutlara buýruk berip bilermiň?
[35] Saňa: „Biz seniň hyzmatyňda“
diýer ýaly,
ýyldyrym çakdyryp bilermiň?
[36] Leglege paýhas beren kim?
Horaza düşünje beren kim?
[37] Kimiň bulutlary sanamaga
paýhasy ýeter?
Gögüň tulumlaryny kim
agdaryp biler?
[38] Şonda toprak gatap,
kesekler biri-birlerine
ýapyşýarlar.

[39-40] Şirler sürenlerine sümen pursady
ýa-da sümme tokaýda bukuda
ýatyrka,
şir üçin aw awlap bilermiň?
Çaga arslanlaryň garnyny
doýrup bilermiň?
[41] Garga balalary Hudaýa nalyş edip,
açlykdan entänlerinde,
olary olja bilen üpjün edýän
kim?

## 39-njy bap

[1] Dag geçileriniň haçan
guzlaýanyny bilýäňmi?
Keýikleri guzlaýan wagty
synlaýaňmy sen?
[2-3] Olar bükülip, burgusy tutup,
çagalanda,
olaryň näwagt aýlarynyň dolup,
guzlamaly pursadyny bilýäňmi?
[4] Balalary çölde ösüp, güýç alýar,
çykyp gidip, yzlaryna
dolanmazlar.

[5] Gulany boşadyp goýberen kim?
Gulany duşagyndan boşadan
kim?
[6] Olara çölleri öý,
şor ýerleri mesgen edip berdim.
[7] Ol şäheriň galmagalyna gülýär,
mal sürýäniň gykylygyny
eşitmeýär.
[8] Öri üçin depelerde enteýär,
gök otluk agtarýar.

[9] Ýabany öküz saňa hyzmat etmäge
razy bolarmyka?
Gijäni seniň ahyryňyň başynda
geçirermikä?
[10] Ýer sürdürmek üçin ýabany
öküze boýuntyryk salyp
bilermiň?
Ýa-da ol seniň yzyňdan ýerlere
mala basarmyka?
[11] Onuň beýik güýjüne bil baglap
bilermikäň?
Agyr işiňi oňa tabşyryp
bilermikäň?
[12] Ýabany öküziň hasylyňy ýygnap,
harmanyňa üýşürjekdigine
ynamyň barmy?

[13] Leglegiňki kimin ganat-peri
bolmasa-da,
düýeguş begençli ganat kakýar.
[14] Düýeguş ýerde ýumurtgalaýar,
olary gumda ýyladýar.
[15] Ýumurtgalaryň aýak astynda
ýenjiljegini,
ýabany haýwanlaryň olary
basgylajakdygyny unudýar.
[16] Balalaryny edil kesekiniňki
kimin zabun tutýar,
zähmetiniň biderek boljagyndan
heder etmeýär.
[17] Çünki Hudaý ony paýhasdan
mahrum edendir,
oňa aň bermändir.
[18] Emma düýeguş ganat ýaýyp
ylganda,

atyň we çapyksuwarynyň
üstünden gülýär.

19 Bedewe güýç-kuwwat berýän
senmi?
Onuň boýnuna ýaly bitirýän
senmi?
20 Senmi ony çekirtge kimin
bökdürýän?
Kişňände, aýylgançdyr onuň
sesi.
21 Gazaply ýer peşäp, güýjüne
buýsanýandyr,
duşmanyň üstüne okdurylýar.
22 Gorka gülüp, hiç zatdan heder
etmeýär,
gylyçdan hem gaçmaýar.
23 Sagdak, ýalpyldawuk naýza we
hanjar oňa degip,
zarňyldap, yzyna atylýar.
24 Buýsançdan möwç alyp, esli
aralyga çapýar,
ümsüm durmaz ol surnaý
sesine.
25 Surnaý sesi ýaňlananda, ol
kişňeýär,
söweş ysyny, serkerdeleriň
goh-galmagalyny,
söweş gykylyklaryny uzakdan
duýýar.

26 Gyrgy seniň paýhasyň bilen
gökde gaýyp,
ganatlaryny ýaýyp, günorta
tarap uçýarmy?
27 Bürgüt seniň buýrugyň bilen
göge galyp,
belentlikde höwürtge
ýasanýarmy?
28 Ol uçut gaýalarda ýaşap,
olary özüne gala edinýär.
29 Awuny şol ýerden gözleýär,
gözleri awuny uzakdan görýär.
30 Balalary gandan iýmitlenýärler,
nirede läş bolsa, olar şol
ýerdedir».

31 Reb Eýýuba şeýle diýdi:
32 «Gudratygüýçli bilen
jedelleşen Oňa düzediş
berermi?
Hudaý bilen dawalaşýan jogap
bersin».

33 Eýýup Rebbe şeýle jogap berdi:
34 «Wah, men bir sanda ýok adam,
Saňa näme jogap bereýin?
Agzyma bek bolaryn indi.
35 Köp gezek gepledim, ýöne mende
jogap ýok,
mundan artyk geplemen indi».

## 40-njy bap

### *Reb sözüni dowam edýär*

1 Reb harasadyň içinden şeýle jogap
berdi:
2 «Erkek kimin biliňi berk guşa,
seni sorag etjek, Maňa jogap ber.

3 Meni adalatsyzlykda
aýyplajakmy sen?
Özüňi aklamak üçin Meni
höküm etjekmi indi?
4 Hudaýyň güýji ýaly güýjüň
barmy?
Onuňky ýaly güňleç sesiň
barmy?
5 Özüňi şan-şöhrat we belent
mertebe bilen beze,
şöhrat we hormat donuny geý.
6 Möwç alýan gazabyňy dök,
tekepbirlere bakyp, olary boýun
egdir.
7 Tekepbirlere garap, olary dyza
çöker,

erbetleri duran ýerlerinde
mynjyrat.
8 Hemmesini bile topraga göm,
olary gabyrda bagla.
9 Şonda sag eliňiň seni halas edip
biljegini
Men-de boýun alaryn.

10 Ine, Bähemosa[a] seret,
seni ýaradyşym kimin, ony-da
Men ýaratdym,
ol öküz kimin ot iýýär.
11 Gör, onuň bilinde nähili güýç
bar,
garnyndaky muskullary nähili
güýçli!
12 Guýrugyny kedr agajy kimin
sallaýar,
budunyň siňirleri örüm-örümdir.
13 Süňkleri bürünç turbalar
kimin,
gapyrgalary demir gözenekleri
kimindir.
14 Bähemos Hudaýyň beýik
işleriniň arasynda iň
ajaýybydyr,
diňe Ýaradany oňa gylyç bilen
golaýlaşyp biler.
15 Baýyrlar onuň otlagydyr,
ol ýerde haýwanlar
ýaýnaşýarlar.
16 Ol gyrymsy agaçlar astynda,
gamyşlyk bilen örtülen
batgalykda ýatýar.
17 Gyrymsy agaçlar üstüne kölege
salýar,
deräniň söwütleri ony gurşaýar.
18 Derýa joşsa-da, ol eýmenmez,
Iordan daşyp, agzyna-burnuna
gelse-de, ol asla äwmez.
19 Kim ony garbak bilen tutup
biljek?
Kim çeňňek bilen onuň burnuny
deşip biljek?
20 Liwýatany[b] çeňňek bilen tutup
bilermiň?
Ýa-da onuň diline syrtmak
salyp bilermiň?
21 Burnundan ýüp geçirip
bilermiň?
Ýa-da äňinden çeňňegi ötürip
bilermiň?
22 Ol saňa ýalbaryp-ýakararmyka?
Şirin sözleri bilen seni
yrarmyka?
23 Özüni ebedilik guluň ederiň
ýaly,
seň bilen äht baglaşarmyka?
24 Guş bilen oýnaýşyň ýaly onuň
bilenem oýnarmykaň?
Ony gyzlaryňa güýmenje edip
baglap bilermiň?
25 Täjirler ony alyp-satyp
bilermikäler?
Söwdagärler ony öz aralarynda
paýlaşyp bilermikäler?
26 Derisini naýza bilen,
kellesini balykçylaryň
gadalgasy bilen deşim-deşim
edip bilermiň?
27 Oňa eliňi degrip gör, ol saňa göz
görkezmezmikä,
sen ony ikilenç gaýtalamarsyň.

### 41-nji bap

1 Ony tutmak umydy netijesizdir,
garasyny göreniň gorkudan
ýüregi ýarylar.
2 Ony oýaryp biljek ýürekli adam
ýokdur.

[a] **40:10** ***Bähemos*** – bize mälim bolmadyk äpet haýwan.
[b] **40:20** ***Liwýatan*** – deňiz aždarhasy. Sözlüge seret.

Kim Meniň öňümde durup
biljek?
3 Kim Menden hasabat bermegimi
soraýar?
Gögüň astyndaky bar zat
Meniňkidir.

4 Liwýatanyň beden agzalary,
beýik güýji we gözel syraty
barada dymmaryn.
5 Kim onuň sowudyny çykaryp
biler?
Kim oňa ýarag bilen golaýlap
biler?
6 Kim onuň agzyny açmaga ýürek
eder?
Agzyndaky dişleri gorkunçdyr.
7 Arkasy ykjam möhür bilen
mäkämlenen,
hatar-hatar galkanlar bilen
örtülen.
8 Olar biri-birlerine şeýle ýakyn
welin,
hatda aralaryndan howa
geçmeýär.
9 Birek-bireklerine
ýapyşdyrylgydyr olar,
mäkäm seplenendirler, olary
aýryp bolmaz.
10 Asgyranda ot saçýar,
gözleri daň şapagy kimin ýanyp
dur.
11 Agzyndan ýalyn çykýar,
ot uçgunlary syçraýar.
12 Burnunyň deşiklerinden
gaýnaýan gazan,
ýanýan gamyş kimin tüsse
çykýar.
13 Demi kömürleri köredýär,
agzyndan alaw çykýar.
14 Güýç onuň boýnundadyr,
gorky onuň huzurynda tans
edýär.
15 Etiniň gatlary biri-birine ýapyşyp,
endamynda berkän, ol
gymyldamaýar.
16 Ýüregi daş kimin gaty,
degirmen daşy kimin gatydyr.
17 Ol ýerinden galanda, güýçlüler
lerzana gelýär,
gorkudan ýaňa titräp, özlerini
ýitirýärler.
18 Oňa gylyç kär etmez,
naýza, hanjar we ok ötmez.
19 Ol demri saman,
bürünji çüýrük agaç saýýar.
20 Atylan okdan gaçmaz,
sapan daşlary oňa saman
ownugy kimindir.
21 Serdesseleri saman saýýar,
özüne tarap zyňlan naýzalara
gülýär.
22 Garnynyň asty gyýçak küýze
döwükleri kimindir,
palçygyň üstüne döwek kimin
yz galdyrar.
23 Çuňlugyň suwlaryny gazan
kimin gaýnadýar,
deňzi melhem gaýnadylýan
gaba dönderýär,
24 yzynda parlak yz galdyrýar,
deňiz agaran saça meňzedilýär.
25 Bütin älemde onuň deňi-taýy
ýokdur,
bu mahluk gorky-ürkini bilýän
däldir.
26 Ol ähli jandarlaryň içinde iň
tekepbiridir,
ýyrtyjy haýwanlaryň iň
boýnuýogynydyr».

## 42-nji bap

### *Eýýup toba edýär*

1 Onsoň Eýýup Rebbe şeýle jogap berdi:

2 «Men bilýän, Seniň eliňden
hemme zat gelýär,
göwnüňe gelen zady amala
aşyrýaň.
3 Nesihatyňy garalajak barmy?
Şonuň üçinem men
düşünmedik,
asla akyl ýetirip bilmedik
zatlarym barada gepledim.
4 Indi maňa gulak assana, men
geplejek,
Senden soraýyn, maňa jogap
bersene.
5 Sen hakda gulagym bilen
eşidipdim,
indi Seni öz gözlerim bilen
gördüm.
6 Munuň üçin özümi ýigrenip,
başymdan gumdur kül sowrup
toba edýärin».

### *Eýýubyň täze durmuşy*

7 Reb Eýýup bilen gürrüňini tamam-
landan soň, teýmanly Elipaza ýüzlenip,
şeýle diýdi: «Meniň saňa we seniň beý-
leki iki dostuňa garşy gazabym lowlaýar,
çünki siz gulum Eýýup ýaly Men barada
hakykaty sözlemediňiz.
8 Şonuň üçin
hem indi ýedi öküz bilen ýedi goçy
alyň-da, gulum Eýýubyň ýanyna baryp,
özüňiz üçin ýakma gurbanlygyny hödür
ediň. Gulum Eýýup siziň üçin dileg eder.
Men siz bilen akmaklygyňyza görä iş
salyşmaryn, onuň dilegini kabul ederin,
çünki siz Men barada hakykaty gulum
Eýýup ýaly sözlemediňiz».
9 Şeýdip, teý-
manly Elipaz, şuwaly Bildat hem-de
nagamly Sopar Eýýubyň ýanyna gidip,
Rebbiň tabşyryşy ýaly hem etdiler. Reb
Eýýubyň dilegini kabul etdi.

10 Eýýup dostlary üçin dileg edenden
soň, Reb oňa bar zatlaryny yzyna gaýta-
ryp berdi. Reb oňa öňküsinden iki esse
köp zat berdi.
11 Onsoň ähli doganlary-
dyr uýalary we öňki tanyşlary Eýýuby
görmäge gelip, öýünde bile çörek iýdiler.
Onuň başyna Rebbiň getiren belalary
üçin duýgudaşlyk bildirip, oňa teselli
berdiler. Olaryň hersi Eýýuba bir bölek
kümüş bilen altyn ýüzük berdiler.

12 Reb Eýýubyň soňky durmuşyny
öňki durmuşyndan-da has bereketli
etdi. Onuň on dört müň goýun-geçi-
si, alty müň düýesi, müň jübüt öküzi
we müň urkaçy eşegi bardy.
13 Şeýle
hem ýedi ogly, üç gyzy bardy.
14 Birinji
gyzynyň ady Ýemima, ikinjisiniň ady
Kesiýa, üçünjisiniň ady Kerenhappukdy.
15 Dünýäniň hiç bir künjeginde Eýýubyň
gyzlary ýaly görmegeý gyzlar ýokdy.
Kakalary erkek doganlary bilen birlikde
olara-da miras berdi.

16 Mundan soň Eýýup ýüz kyrk ýyl
ýaşap, çagalaryny, dört arka çenli ag-
tyk-çowluk gördi.
17 Şeýdip, Eýýup goja-
lyp, durmuşdan razy bolup dünýäden ötdi.

# Zebur

## Giriş

*Zebur* kitabynyň ady ýewreýçe *tehillim*, ýagny *öwgüler* diýmegi aňladýar. Zebur aýdymlaryň ýygyndysy bolup, onuň aglaba bölegini öwgi aýdymlary düzýär. Öwgi aýdymlaryndan başga Zeburda şükür mezmurlary, zyýarat mezmurlary, ahy-nala mezmurlary, patyşanyň şanyna aýdylýan mezmurlar we Töwrat mezmurlary duş gelýändir. Töwrat mezmurlary Musa pygamberiň bäş kitabynda beýan edilen taglymaty wasp edýärler.

Zyýarat nagmalary (119 – 133-nji mezmurlar) imanlylaryň Iýerusalimiň derwezelerinden girip, ybadathananyň bina edilen mukaddes dagyna çykyşlaryny beýan edýärler.

Patyşanyň şanyna aýdylýan nagmalar patyşany taryplaýan ýa-da onuň şa tagtyna çykmagynyň şanyna aýdylýan nagmalardan ybaratdyr. Hudaýyň Öz pygamberlerine berýän ylhamlary bilen tanyş adamlar bu mezmurlarda dünýäniň ähli şan-şöhratyna mynasyp Mesihiň geljekdigi barada ýaňzydylyp aýdylan pygamberliklere aýdyň düşünýärler.

Ahy-nala mezmurlary ýekelikde ýa-da toparlaýyn aýdylypdyr. Şu mezmur iň meşhurlaryň biri diýip hasaplanýar:

*Babyl suwlarynyň boýunda oturyp, Siony ýatlan wagtymyz gözýaş döküpdik. Şol ýerdäki derek agaçlaryndan öz liralarymyzy asyp goýupdyk.*

*Zebur 136:1-2.*

Bu mezmur ysraýyl halkynyň Babyl sürgünliginde bolan döwründe düzülýär. Şol döwürde olar Iýerusalime dolanyp, Hudaýy ybadathanada şöhratlandyrmagy ýürekden arzuwlaýardylar.

Mezmurlaryň köpüsi Dawut pygamber tarapyndan ýa-da onuň üçin düzülendir. Olaryň sözbaşylary köplenç ýewreýçe bolup, onuň awtoryny ýa-da nähili ýagdaýda düzülendigini mälim edýärler. Käbir mezmurlaryň sözbaşysyna düşünmek diýseň kyn bolýar, sebäbi olar biziň döwrümize çenli saklanmadyk mukam heňleri ýa-da saz gurallary baradadyr. Manysy aýdyň bolmadyk şeýle sözlere *sela*, *maskil* we ş. m. sözler degişli bolup, olaryň düşündirişi sözlükde berilýär. Mezmurlaryň başga bir topary bolsa ybadathanada sežde edilen wagty aýdylyp, «aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna» diýen goşmaça sözbaşa eýedirler. Şeýle goşmaça sözbaşyly mezmurlar ybadathanada Hudaýa gurbanlyk berlen wagty aýdymçylar topary tarapyndan aýdylypdyr.

*Mazmuny*

Jemi 150 mezmur, ine, şu aşakdaky 5 kitaba bölünýär:
1 – 40-njy mezmurlar
41 – 71-nji mezmurlar
72 – 88-nji mezmurlar
89 – 105-nji mezmurlar
106 – 150-nji mezmurlar

---

## BIRINJI KITAP
*(1 – 40-njy mezmurlar)*

### 1-nji mezmur

1-2 Rebbiň kanunyndan lezzet alýan,
gije-gündiz şol barada oýlanýan bagtlydyr!
Ol erbetleriň maslahatyna gitmeýär,
günäkärleriň ýolundan ýöremeýär,
ýaňsylaýjylaryň arasynda oturmaýar.
3 Ol akar suwlar ýakasynda ekilen,
miwesini möwsüminde getirýän,
ýapragy solmaýan agaç kimindir;
ähli edýän işi oňuna bolýar.
4 Erbetler bolsa beýle däldir,
olar ýeliň sowran harpygy ýalydyr.
5 Şoňa görä, erbetler höküm çykarylanda,
günäliler-de dogrular mejlisinde durup bilmezler.
6 Çünki Reb dogrularyň ýoluny gözden salmaýar,
erbetleriň ýoly bolsa heläkçilige uçradýar.

### 2-nji mezmur

1 Milletler arasyndaky başbozarlyk näme?
Halklar nämä biderek pitne turuzýar?
2 Rebbe we Onuň saýlanyna garşy
dünýä şalary aýaga galýar;
hökümdarlar birigýär we baş galdyrýar.
3 Olar şeýle diýýär:
«Sypyryp taşlalyň gandallaryny
hem-de gyralyň zynjyrlaryny».
4 Göklerde oturan Taňry olaryň üstünden gülýär
hem-de olary masgaralaýar.
5 Şonda olara gahar bilen ýüzlener,
gazabynda olary eýmendirer:
6 «Mukaddes dagym Sionda [a]
Mendirin Öz patyşamy oturdan».
7 Patyşa: «Men Rebbiň permanyny
yglan edeýin» diýýär.
«Sen Meniň oglumsyň, – diýdi Ol maňa –
bu gün Atań boldum Men.
8 Menden dile, saňa bereýin
milletleri miras hökmünde,
tutuş älem-jahany mülk hökmünde.
9 Sen olary demir hasaň bilen döwersiň,
küýzegäriň golçasy deý çym-pytrak edersiň».
10 Şeýlelikde, eý, patyşalar, paýhasly boluň;

---

[a] **2:6** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

dünýä hökümdarlary, şundan
habarly boluň:
11 Rebbe gulluk ediň siz gorky
bilen:
hem galpyldaň, hem-de
şatlanyň.
12 Ogly öpüň, ýogsa ol gazaba müner,
siz hem heläk bolarsyňyz öz
ýoluňyzda,
çünki tiz tutaşýar onuň gazaby.
Ony pena edinýänleriň ählisi
bagtly.

**3-nji mezmur**

1 *Dawudyň öz ogly Abşalomdan gaçan mahaly aýdan mezmury.*
2 Ýa Reb! Duşmanlarym neneň
köpeldi!
Maňa garşy baş göterýänleriň
sany kän.
3 Köpler men babatda:
«Hudaý ony halas etmez»
diýýärler. *Sela*
4 Emma Sen, ýa Reb, daşymda bir
galkansyň,
şan-şöhratym, başymy
dikeldýän Sensiň.
5 Men Rebbe edýärin dady-perýady,
Ol mukaddes dagyndan maňa
berýär jogaby. *Sela*
6 Men ýatýaryn hem-de uka
gidýärin,
sag-aman oýanýaryn, çünki
Reb goldaýar meni.
7 Çar tarapdan meniň garşyma
çykan
biçak köp duşmandan
gorkmaýaryn men.
8 Galk Sen, ýa Reb!
Eý, Hudaýym, halas et meni!
Ähli duşmanlarymyň äňine urýaň,
erbetleriň dişlerini kül-owram
edýäň.
9 Ýeňiş Rebdendir,
berekediň Seniň halkyňyň
üstünde bolsun. *Sela*

**4-nji mezmur**

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz guralynda. Dawudyň mezmury.*
2 Eý, meni hakly çykarýan Hudaýym!
Maňa jogap ber çagyranymda.
Maňa giňlik berdiň daryganymda,
maňa merhemet et-de, dilegime
gulak goý.
3 Eý, ynsan ogullary! Haçana çenli
siz maňa ysnat getirjek?
Haçana çenli puç zady söýüp,
siz ýalana eýerjek? *Sela*
4 Emma bilip goýuň: Reb Özi üçin
sadyk adamy saýlap goýandyr.
Reb meni eşidýär çagyranymda.
5 Gaharlanyp, günä galmaň siz,
Düşegiňizde oýlanyň, ümsüm
boluň siz. *Sela*
6 Dogry gurbanlyklary hödürläň,
Rebbe bil baglaň.
7 «Kim bize ýagşylyk eder?»
diýýänler köpdür.
Ýa Reb, ýüzüňiň nuruny
üstümize saç!
8 Hasyl, täze şerap bol bolanda bagtdyr,
ýöne ýüregime beren şatlygyň
mundan-da köpdür.
9 Men arkaýyn ýatýan hem-de
uklaýan;
çünki diňe Sen, ýa Reb, meni
amanlykda ýaşadýaň.

**5-nji mezmur**

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Üflenip çalynýan saz guralynda. Dawudyň mezmury.*
2 Ýa Reb, diňle meniň sözümi
hem-de eşit meniň ahy-zarymy.

[3] Diňle perýadymyň sesini,
eý, Patyşam hem-de Hudaýym,
men Saňa edýändirin dilegi.
[4] Ýa Reb, meniň sesimi ertirine
eşidýärsiň Sen,
häzirlenip, säher bilen
huzuryňda garaşýaryn men.
[5] Sen erbetligi halamaýan
Hudaýsyň,
Seniň huzuryňda ýaman
ýaşamaz,
[6] tekepbirler Seniň gaşyňda
durmaz;
Sen ýigrenýärsiň betkärleriň
baryny,
[7] ýok edýärsiň ýalan sözleýänleri.
Ýa Reb, Sen ýigrenýärsiň
ganhor bilen kezzaby.
[8] Men bolsa egsilmez sadyk söýgiň
arkaly,
girerin Seniň öýüňe;
men Senden heder ederin,
mukaddes ybadathanaňa tarap
tagzym ederin.
[9] Ýa Reb, duşmanlarym zerarly,
Öz adalatyňda meni ugrukdyr;
dogrula Sen öňümdäki ýoluňy.
[10] Olaryň agzynda dogry söz
ýokdur,
olaryň ýüregi weýrançylykdyr,
olaryň bogazy açyk gabyrdyr,
dilleri bilen-de ýallaklaýandyr.
[11] Eý, Hudaý, olara çykar hökümi,
pällerinden tapyp, ýykylsyn
olar;
ýazyklary üçin kowup çykar
olary,
çünki olar Saňa garşy baş
galdyrdylar.
[12] Seni pena edinýänleriň bary
şatlansyn,
elmydama joşup, nagmalar
aýtsyn;
çünki olary goraýarsyň Sen,
adyňa aşyklar Sende şat bolsun.
[13] Sen ýalkaýarsyň dogry ynsany,
hoşamaýlygyň-da bolýar onuň
galkany.

**6-njy mezmur**

[1] *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Sekiz kirişli saz guralynda. Dawudyň mezmury.*
[2] Ýa Reb, gaharyňda meni ýazgarma,
gazabyňda meni terbiýeleme.
[3] Ýa Reb, maňa merhemet eýle,
çünki mende ysgyn-mydar
galmady;
ýa Reb, maňa ber Sen şypaňy.
Çünki galpyldaýar meniň
süňklerim,
[4] güýçli galpyldaýar janym hem
meniň.
Ýa Reb, haçana çenli bu dowam
eder?
[5] Ýa Reb, maňa öwrülip, halas et,
meniň janymy,
sadyk söýgiňiň hatyrasyna, azat
et meni.
[6] Çünki Seni gabyrda ýatlamak
ýokdur;
Saňa ölüler dünýäsinde kim
öwgi aýdar?
[7] Iňňildimden halys ýadadym,
her agşam aglap, düşegimi suw-
-sil edýärin,
ýorganymy gözýaşlaryma men
gark edýärin.
[8] Gözlerimiň nury öçdi gussa
zerarly,
küteldi ähli duşmanlarym
sebäpli.
[9] Menden daşlaşyň, eý, betkärleriň
bary,
çünki Reb eşitdi agy sesimi.
[10] Reb eşitdi meniň ýalbaryşymy,

kabul edýär Reb meniň dogamy.
11 Ähli duşmanlarym utanyp, gorka gaplansyn,
aljyrap birbada, yzyna dönsün.

### 7-nji mezmur

1 *Dawudyň Rebbe aýdan şigaýony. Benýamin tiresinden bolan Kuşuň sözlerine degişli.*
2 Ýa Beýik Hudaýym! Seni pena edinýärin men,
meni yzarlaýanlaryň baryndan halas et, gutar.
3 Ýogsam hiç kim ýokka meni halas edere,
olar şir dek meni parçalaýmasyn.
4 Ýa Reb, Hudaýym, eger şulary men eden bolsam:
eger ellerimde haksyzlyk bolsa,
5 eger özüm bilen asudalykda ýaşana ýamanlyk edäýen bolsam,
duşmanymy sebäpsiz ýere men talan bolsam,
6 onda, goý, yzarlaýanlar yzymdan ýetsin,
depgiläp, janymy ýere gaplasyn
hem-de hormatymy aýak astyna salsyn. *Sela*
7 Ýa Reb, galk Sen Öz gazabyňda,
garşy çyk Sen duşman dergazabyna;
eý, Hudaýym, oýan-da, jar et Öz hökümiňi.
8 Halklar jemagaty gurşasyn töweregiňi,
göklerden ýöret olara Sen hökümiňi.
9 Reb halklara höküm çykarýar;
ýa Reb, dogrulygym bilen päkligime görä,
Sen meni akla.

10 Erbet adamlaryň ýamanlygy soňlansyn,
berkarar et Sen dogry ynsany,
çünki Sen, ýa hak Hudaý,
köňüldir ýürekleri barlaýarsyň ahyryn.
11 Hudaýdadyr meniň galkanym,
Ol dogry ýüreklini halas edýändir.
12 Hudaý adyl Kazydyr,
haksyzlygy günde höküm edýändir.
13 Eger kimdir biri toba etmese,
Hudaý Öz gylyjyny ýitelder;
ýaýynyň kirşini çekip, ony çenändir.
14 Ol öwrüp peýkamlaryny lowlaýan oda,
oňa ölüm ýaraglaryny taýynlap goýýar.
15 Ine, erbet adamyň haksyzlykdan hamyla bolup,
göwresinde ýamanlygy göterip,
ýalany dünýä indirişini gör!
16 Ol gazýar bir çukur, ony çuňaldýar,
gazan çukuryna-da onuň özi düşýär.
17 Öz ýamanlygy inýär onuň başyna,
zalymlygy inýär öz depesine.
18 Rebbe Onuň haklygynda şükür edýärin,
şatlanyp, Beýik Hudaýa nagma aýdýaryn.

### 8-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Gititde. Dawudyň mezmury.*
2 Ýa Hökmürowan Rebbimiz!
Adyň neneň belent tutuş ýeriň ýüzünde!
Ýaýdyň şöhratyňy gökler üstünde.
3 Sen Öz ýagylaryň sebäpli,
duşmandyr öç alýany dymdyrmak üçin,

çagalaryň, bäbekleriň
alkyşlaryndan
gala ýaratdyň.
4 Seniň gökleriňe – barmaklaryň
işine,
Seniň goýan Aýdyr
ýyldyzlaryňa
nazar aýlanymda, şeýle diýýärin:
5 «Adam näme Sen ony ýatlaryň
ýaly?
Ynsan ogly näme aladasyny
ederiň ýaly?
6 Ony perişdelerden biraz pesräk
ýaratdyň,
oňa şöhrat bilen hormat
jygasyny geýdirdiň.
7 Ony Öz elleriňiň işlerine
hökümdar goýduň;
ähli zady aýagynyň astynda
goýduň:
8 goýunlardyr öküzleriň baryny,
şeýle-de çöl haýwanlaryny,
9 gök guşlaryny, deňiz balyklaryny,
deňiz içre ýüzýän bar
jandarlary».
10 Ýa Hökmürowan Rebbimiz!
Adyň neneň belent tutuş ýeriň
ýüzünde!

## 9-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Mut labende. Dawudyň mezmury.*

*Alef*

2 Men bütin ýüregim bilen Rebbe
şükür ederin;
Seniň ähli gudratly işleriňi
aýdyp bererin.
3 Sende begenerin, joşa gelerin,
adyňy taryplap, nagma aýdaryn,
ýa Beýik Hudaý!

*Bet*

4 Meniň duşmanlarym yzlaryna
dönende,
büdräp, ýok bolýarlar Seniň
öňüňde.
5 Çünki Sen adalatly alyp bardyň
dawamy,
Sen tagtda oturyp, çykardyň
dogry karary.

*Gimel*

6 Milletleri ýazgardyň, heläk etdiň
erbetleri,
ebedilik we baky öçürdiň
olaryň atlaryny.
7 Müdimilik weýrançylykda ýok
boldy duşman,
şäherlerini ýok etdiň
düýp-teýkaryndan,
olary ýatlamadan galmady nyşan.

*(Dalet, He)*

8 Ýöne Reb baky höküm sürýändir;
Ol adalatly höküm çykarmak
üçin,
Öz tagtyny berkarar etdi.
9 Ol dogrulyk bilen dünýä kazylyk
edýär,
halklara ýüz görmezden höküm
çykarýar.

*Waw*

10 Reb berkitme bolar ezilýänlere,
berkitme bolar muşakgatlyk
wagtynda.
11 Adyňy bilýänler Saňa bil baglar,
çünki, ýa Reb, Sen Özüňi
agtarýanlary
terk eden dälsiň.

*Zaýin*

12 Sionda mesgen tutan Rebbe
nagmalar aýdyň,
halklaryň arasynda eden işlerini
jar ediň.
13 Çünki Ol dökülen ganlaryň
hununy alýar,
olary Öz hakydasynda saklaýar;
ejir çekýänleriň perýadyny Ol
unutmaýar.

*Ḥet*

14-15 Ýa Reb, maňa merhemet eýle,
gör meni ýigrenýänlerden
çekýän derdimi;
Saňa ähli alkyşlarymy jar ederim
ýaly,
Sensiň ölüm derwezelerinden
meni halas eýleýän.
Sion gyzynyň [a] derwezelerinde
Seniň halas edişiňe men
şatlanaýyn.

*Ṭet*

16 Milletler gazan çukuryna özleri
gaçdy,
gizläp guran toruna öz aýaklary
çolaşdy.
17 Çykaran höküminde Reb Özüni
tanatdy –
erbetleriň sapalagyna özlerini
düşürdi. *Higaýon. Sela*

*Ýod*

18 Ölüler dünýäsine düşer erbetler
we Hudaýy unudan ähli milletler.

*Kaf*

19 Çünki mätäç hemişelik unudyljak
däl,
garybyň umydy hem baky ýitjek
däl.
20 Galk Sen, ýa Reb, ynsan üstün
çykmasyn,
milletlere höküm çykarylsyn
Seniň öňüňde.
21 Ýa Reb, gorka gapla milletleriň
kalbyny,
bilsin olar, özleriniň diňe
ynsandyklaryny. *Sela*

*Lamed*

22 Ýa Reb, näme üçin uzakda
durýaň?
Näme üçin muşakgatlyk wagty
gizlenýäň?
23 Erbetler öz tekepbirliginde
yzarlaýar garyby;
goý, guran hilelerine düşsün
olaryň özi.

*Nun*

24 Çünki erbetler göwün
höweslerine magtanýar,
açgözi alkyşlap, Saňa biparh
garaýar.
25 Tekepbirliklerinde Seni agtarmaz
olar,
pikirleriniň barynda «Hudaý
ýok» diýýär.
26 Elmydama üstünlikli bolýar
olaryň ýoly,

*(Mem)*

göz ýetirerlerinden Seniň
hökümleriň ýokary.
Olar ähli duşmanlarynyň
üstünden gülýär.
27 Ýüreginde diýýärler: «Bizi hiç zat
sarsdyrmaz,
nesillerden-nesle ýüzümiz
ýamanlyk görmez».

*Pe*

28 Olaryň agzy gargyşdan,
aldawdan, zulumdan doly,
dilleriniň astynda zyýan, etmiş
bar.

*Ğaýin*

29 Obalaryň ýanynda bukuda olar
oturýar,
bigünäni gizlin ýerde öldürýär;
göz astyna alyp, ejizi olar
aňtaýar;
30 şiriň sürende bukulyşy kimin
gizlenýär,
garyby garbamaga buky ýerde
garaşýar;
duzak gurup, garyby torlaryna
düşürýär.

---

[a] **9:14-15** ***Sion gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

31 Olar egilýär we ýapyrylýar,
ejiz-de olaryň goluna düşýär.
32 Olar ýüreginde şeýle oýlaýar:
«Hudaý edenlerimizi unutdy,
ýüzüni sowdy,
Ol asla görmeýär muny».
*Ķof*
33 Galk Sen, ýa Reb! Eý, Hudaý,
galdyr eliňi,
ýadyňdan çykarma Sen ejizleri.
34 Näme üçin erbetler Hudaýy ret
edýär?
ýüreginde: «Sen hasap
soramarsyň» diýýär?
*Reş*
35 Emma salýarsyň-a Sen nazary!
Öz eliň bilen jezalaryny bereriň
ýaly,
dogrudan hem görýäň azap
bilen külpeti.
Saňa tabşyrýandyr ejiz özüni;
ýetimiň hossary Sensiň.
*Şin*
36 Erbet bilen betkäriň döw Sen goluny,
erbetlikleri soňlanýança,
jezalandyr olary.
37 Reb ebedi hem-de baky Patyşa,
Onuň ýurdundan ýiter milletler.
*Taw*
38-39 Ýa Reb! Pespälleriň islegini
eşidersiň,
olaryň ýüreklerine kuwwat
berersiň,
ýetim bilen ejiziň hakyny
almaklyk üçin
gulak goýarsyň;
asly toprakdan bolan ynsandan
mundan beýläk hiç kim, goý,
eýmenmesin.

### 10-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawudyň mezmury.*
Men Rebbi pena edinýärin.
«Guş kimin öz dagyňa
gaç – diýip,
maňa neneň aýdyp bilýäňiz? –
2 Ine, gör, erbetler ýaýyny gurýar,
peýkamyny ýaýyň kirşine
goýýar,
dogry ýüreklileri garaňkyda
nyşana alýar.
3 Eger binýatlar edilse weýran,
näme edip biler ol dogry
ynsan?»
4 Reb Öz mukaddes
ybadathanasyndadyr;
Onuň tagty göklerdedir.
Onuň gözleri synlaýar,
nazary adamzady barlaýar.
5 Reb synaýar dogry ynsany,
emma Onuň kalby ýigrenýär
erbetleri we zorluk söýýän
adamy.
6 Ol erbetleriň üstüne ýagdyrar
köreýän közleri hem-de kükürdi;
ýandyryjy ýel bolar nesibeleri.
7 Çünki Reb dogrudyr; söýýär Ol
dogry işleri;
dogry ynsan görer Onuň ýüzüni.

### 11-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Sekiz kirişli saz guralynda. Dawudyň mezmury.*
2 Halas et, ýa Reb, sadyk adam
galmady,
adamzat arasyndan ynamdarlar
ýitirim boldy.
3 Olar biri-birine ýalan sözleýär;
ýaranjaň dilleri ikigepli
gürleýär.
4 Goý, Reb ähli ýaranjaň agyzlary,
badyhowa gürleýän dilleri kessin.
5 Olar şeýle diýýär: «Dilimiz
arkaly üstün çykarys,

agyz özümiziňki – kim bize
hojaýyn çykýan?»
6 Garyplaryň ezilişinden,
mätäçleriň ahyndan ýaňa
Reb şeýle diýýär: «Men şu
pursat turaryn,
olary küýseýän howpsuzlygyna
gowuşdyraryn».
7 Rebbiň sözleri sap sözlerdir,
toýun küresinde arassalanyp,
ýedi gezek saplanan kümüş
kimindir.
8-9 Erbetler gezýär ähli ýerlerde,
adamzat ýamanlyga hormat
goýanda.
Ýa Reb, Sen bize pena bolarsyň,
bizi bu adamlardan baky
gorarsyň.

## 12-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
2 Ýa Reb, haçana çenli maňa nazar
saljak däl?
Sen meni baky unudaýjakmy?
Haçana çenli gizlejek menden
ýüzüňi?
3 Haçana çenli janym gaýgy etmeli,
ýüregim-de uzakly gün gussa
çekmeli?
Haçana çenli duşmanym üstün
çykarka?
4 Nazar sal-da, maňa jogap ber, ýa
Beýik Hudaýym!
Gözlerime nur ber, ölüm
ukusyna gitmezim ýaly.
5 Duşmanym: «Ondan ökde
geldim» diýmesin,
ýykylmaýyn, ýagylarym, goý,
şatlanmasyn.
6 Men bolsa bil bagladym sadyk
söýgiňe,
ýüregim halas edişiňe begener.
Men Rebbe nagma aýdaryn,
sebäbi Ol maňa jomartlyk etdi.

## 13-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
Akmak adam ýüreginde: «Hudaý
ýok» diýýär.
Olar azýar we ýigrenji işleri
edýär;
ýagşylyk edýän ýok.
2 Paýhasly we Hudaýy agtarýan
barmyka diýip,
Reb göklerden adamzada nazar
aýlaýar.
3 Olaryň hemmesi ýoldan çykdylar,
bary deň derejede haram
boldular;
ýagşylyk edýän ýok, ýok ýeke
biri-de.
4 Eýsem düşünmeýärmi ähli
betkärler?
Olar halkymy çörek ýaly iýýärler
hem-de Rebbi çagyrmaýarlar.
5 Olar şol ýerde gorka düşerler,
çünki Hudaý dogrularyň
tarapdarydyr.
6 Siz äsgermeýärsiňiz garybyň
niýetlerini,
ýöne welin Rebdir onuň penasy.
7 Wah, gelsedi Siondan Ysraýyl
ýeňşi!
Reb halka öňki abadançylygyny
gaýtaryp berende,
Ýakup nesli begener, Ysraýyl
hem şatlanar.

## 14-nji mezmur

1 *Dawudyň mezmury*
Ýa Reb, Seniň çadyryňda kim
düşläp bilýär?
Mukaddes dagyňda kim ýaşap
bilýär?

2 Kämil gezýän, dogry iş edýän,
hem-de ýüreginden hakykaty
sözleýän,
3 dili bilen myjabat ýöňkemeýän,
ýoldaşyna ýamanlygy etmeýän,
ýakyny barada gybat etmeýän;
4 onuň nazarynda ret edilen
ýigrenji,
emma sylaýandyr Rebden
gorkýany;
eden ähti zyýanyna bolsa-da,
ondan dänmeýän;
5 öz puluny göterimine bermeýän,
ýazyksyza garşy para almaýan.
Şeýle ynsan asla yranmaz.

## 15-nji mezmur

1 *Dawudyň miktamy*
Gora meni, eý, Hudaý, çünki Seni
pena tutunýan.
2 Rebbe diýdim: «Sen meniň
Taňrym,
maňa Senden özge hiç eşret
ýokdur».
3 Ýurtdaky mukaddes halka –
şu abraýly adamlara ymtylýar
kalbym.
4 Özge hudaýlara eýerýänler
köpelder öz hasratyny;
men guýmaryn olaryň guýýan
ganly içgi sadakasyny,
agzamaryn olaryň atlaryny.
5 Reb meniň mirasym hem-de
nesibäm,
Onuň elindedir meniň ykbalym.
6 Ajaýyp ýerlerden düşdi
mellegim,
göwne ýakymlydyr meniň
mirasym.
7 Maňa maslahat beren Rebbe
alkyş aýdaryn;
hatda gijelerine-de öwüt berýär
ýüregim.
8 Reb elmydama gözlerimiň
öňünde,
sarsdyrylmaryn, çünki Ol
meniň sagymda.
9 Şoňa görä ýüregim begençli,
kalbym şatlanýar,
meniň tenim hem asudalykda
ýaşaýar.
10 Çünki meni ölüler dünýäsinde
goýmarsyň,
Öz sadygyň gabra girmegine
Sen ýol bermersiň.
11 Ýaşaýyş ýoluny maňa görkezersiň.
Huzuryňda şatlyk meni
doldurar.
Sagyňda hem begenç meni
doldurar.

## 16-njy mezmur

1 *Dawudyň dogasy*
Ýa Reb, hakykaty eşit, perýadyma
dykgat ber;
hilesiz agyzdan çykýan
dilegime gulak goý.
2 Ýa Reb, Sen meni akla!
goý, haklygy görsün Seniň
gözleriň.
3 Sen meniň niýetlerimi ykjam
barladyň,
gijäniň dowamynda meni
synadyň,
emma menden ýazyk tapmadyň;
günäli zady aýtmazlygy
ýüregime düwdüm.
4 Ynsan işleri babatda aýtsam:
Seniň buýruklaryň arkaly,
zalymyň ýollaryndan men gaça
durdum.
5 Gadamlarym pugta tutdy
ýodalaryňy,
meniň aýaklarym taýmady.
6 Eý, Hudaý, çagyrýan Seni,
çünki Sen berersiň maňa jogaby,

gulak goý-da, eşit meniň
sözümi.
7 Ýagylardan ýaňa Senden pena
gözleýänleri
eliň bilen halas edýän Sen,
ajaýyp sadyk söýgiňi görkez.
8-9 Gora meni gözüň göreji ýaly;
maňa hüjüm edýän erbet
adamdan,
daşymy gurşaýan ganym
duşmandan
Öz ganatlaryňyň astynda gizle
Sen meni.
10 Olar rehim etmäge ýapýarlar
ýüreklerini,
ulumsylyk bilen gürleýär olaryň
agzy.
11 Olar her ädimimizi aňtap,
gurşaýarlar daşymy,
meni ýere urmak üçin
peýleýärler pursady.
12 Olar parçalamaga hyjuwlanýan
arslan dek,
buky ýerde gizlenen ýaş arslan
ýaly.
13-14 Galk, ýa Reb! Garşy çyk-da,
agdar olary;
gylyjyň bilen janymy
erbetlerden halas et,
ýa Reb, Öz eliň bilen adamlardan
azat et.
Çünki şu dünýäde olaryň
ýaşaýyş paýy.
Sen boldan-bol doýrarsyň
garynlaryny;
çagalaryndan hoşal olaryň
göwni;
balalaryna galdyrar özlerinden
artany.
15 Men bolsa dogrulykda Seniň
ýüzüňi görerin,
oýanan wagtym didaryňdan
doýaryn.

**17-nji mezmur**

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy-
na. Rebbiň guly Dawudyň mezmury.
Reb ony ähli duşmanlarynyň we
Şawulyň elinden halas eden güni
ol bu nagmanyň sözlerini Rebbe
ýüzlenip aýtdy:*
2 Seni söýýärin, ýa
Reb – kuwwatym.
3 Reb meniň gaýam, galam hem
Halasgärim,
Hudaýym – pena edinýän
gaýam,
galkanym, ýeňşim hem-de
berkitmäm.
4 Men şan-şöhrata mynasyp Rebbi
çagyrýaryn,
hem-de duşmanlarymdan halas
bolýaryn.
5 Ölüm tanaplary maňa oraldy,
weýrançylyk silleri meni
garbady.
6 Ölüm dünýäsiniň tanaplary maňa
saraldy,
ölüm duzaklary garşymdan
çykdy.
7 Gam-gussamyň içinde Rebbi
çagyrdym,
öz Hudaýyma men perýat etdim.
Ol ybadathanasyndan meň sesimi
eşitdi;
Onuň gulagyna perýadym ýetdi.
8 Şonda zemin çaýkandy hem
endiredi,
daglar binýatlary sarsyp,
lerzana geldi,
sebäbi Reb gazaba mündi.
9 Gazabyndan ýaňa tüsse çykdy
burnundan,
ýuwudyjy ot bilen köreýän
közler çykdy agzyndan.
10 Ol gökleri böwsüp, aşaga indi,

zulmat aýaklarynyň astynda
bardy.
11 Ol bir keruba mündi-de, uçdy,
ýeliň ganatlarynda gaýdy.
12 Ol Özüniň daşyna örtgi etdi
tümlügi,
telär etdi goýy bulutlaryň
ýagmyr tümüni.
13 Huzurynyň ýalkymyndan ýaňa
köreýän közlerdir doly
böwsüp geçdi Onuň gara
bulutlaryny.
14 Reb göklerde güňleç gürledi,
Beýik Hudaý sesini közdür doly
bilen çykardy.
15 Peýkamlaryny atyp, pytratdy
ýagylaryny,
ýyldyrymlar çakdyryp, weýran
etdi olary.
16 Şonda, ýa Reb, Seniň käýinjiňden,
burnuňdan çykan demiňden ýaňa,
deňziň geçelgeleri göründi,
dünýäniň-de binýatlary açyldy.
17 Ol belentden ýetdi hem meni aldy
Ol meni çuň suwlardan çekip
çykardy.
18 Halas etdi meni ýigrenýän güýçli
ýagymdan,
çünki olar güýçlüdi menden.
19 Olar betbagt günümde garşyma
çykdy,
ýöne Reb meniň daýanjym
boldy.
20 Meni giň ýere çykardy hem halas
etdi,
çünki Ol menden göwnühoş
boldy.
21 Ol dogrulygyma laýyk öwezini
gaýtardy,
ellerimiň tämizligine laýyk Ol
sylaglady.
22 Çünki men Rebbiň ýollaryndan
ýöredim,
Hudaýymdan aýrylmak ýaly
erbet işi etmedim.
23 Çünki gözümiň alnyndady ähli
kararlary,
özümden daşlaşdyrmadym
Onuň parzlaryny.
24 Men kämildim Onuň öňünde,
sakladym özümi günä
etmekden.
25 Şonuň üçin, dogrulygyma we
ellerimiň päkligine görä,
Reb öwezini gaýtardy Öz
nazarynda.
26 Sadyklyk edýärsiň Sen sadyklara,
kämillik edýärsiň Sen kämillere,
27 päklik edýärsiň Sen päk
ynsanlara,
egrilere bolsa egriligine görä
garaýarsyň Sen.
28 Pesgöwünli halky halas edýärsiň,
emma tekepbir gözleri
peseldýärsiň Sen.
29 Ýa Reb, çyrama nur berýän
Sensiň,
Hudaýym ýagtyldýar meň
tümlügimi.
30 Seniň bilen talaňçylara hüjüm
ederin,
Öz Hudaýym bilen diwardan
aşyp bilerin.
31 Hudaý – Onuň ýoly kämildir,
Rebbiň sözleri sapdyr,
Ony pena edinýänleriň baryna
Reb galkandyr.
32 Çünki Rebden başga Hudaý ýok!
Hudaýymyzdan başga gaýa ýok!
33 Ol meni kuwwata besleýän
Hudaý,
Ol meniň ýolumy aýypsyz
edýär.
34 Aýaklarymy keýigiňki dek edýär,
belent ýerlerde meni ykjam
duruzýar.

[35] Urşa türgen edýär Ol ellerimi,
gollarym egreldýär bürünçden
ýaýy.
[36] Ýeňiş galkanyňy maňa berýärsiň,
Seniň goluň meni goldaýar,
Seniň kömegiň-de meni
beýgeldýär.
[37] Gadamlarymyň astyndaky ýoly
giňeldýäň,
meniň aýaklarym taýmaýar.
[38] Duşmanlarymy kowalap,
yzlaryndan ýetýärin,
olary gyryp tükedýänçäm,
dolanmaýaryn.
[39] Men olary derbi-dagyn edýärin,
galyp bilmeýär,
aýaklarymyň astyna olar
ýykylýar.
[40] Uruş üçin Sen bilime kuwwat
berýärsiň,
garşyma çykanlary maňa tabyn
edýärsiň.
[41] Boýun egdirýärsiň
duşmanlarymy,
gyrýaryn men özümi
ýigrenýänleri.
[42] Perýat etseler-de, olary halas
edýän ýok;
Rebbi çagyrsalar-da, Ol jogap
berenok.
[43] Olary owradyp, tozan dek ýele
sowurýan,
köçeleriň palçygy kimin taşlaýan.
[44] Söweşjeň halkdan meni halas
eýleýäň,
Sen meni milletlere baş edip
goýýaň,
tanamadyk halkym tabyndyr
maňa.
[45] Meni eşiden dessine boýun
bolýarlar,
ýatlar maňa ýalym-ýulum
edýärler.
[46] Kesekileriň ýüzi gorkudan ak
tama dönýär,
olar galalaryndan titreşip çykýar.
[47] Reb diridir! Meniň Gaýam
alkyşly bolsun!
Gutulyşymyň Hudaýy belende
çykarylsyn!
[48] Ol meniň arymy alyp berýän
Hudaýdyr,
Ol halklary maňa tabyn edýändir,
[49] Ol meni duşmanlarymdan halas
eýleýär.
Sen meni ýagylarymdan üstün
çykardýarsyň,
hem-de meni zalymdan halas
edýärsiň.
[50] Munuň üçin, ýa Reb,
milletler arasynda Seni
alkyşlaryn,
Seniň adyňa nagmalar aýdaryn.
[51] Ol Öz şasyna beýik ýeňişler berýär,
seçip-saýlan Dawudyna, onuň
nesline
elmydama sadyk söýgüsini
görkezýär.

### 18-nji mezmur

[1] *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
[2] Gökler Hudaýyň şöhratyny yglan
edýär,
gök gümmezi elleriniň işinden
habar berýär.
[3] Gün söz sözleýär ertirki güne,
gije bilim berýär indiki gijä.
[4] Ne gep bar, ne-de bir gürrüň,
eşidilmeýär sesi olaryň.
[5] Tutuş ýer ýüzüne ýaýrandyr olaň
owazy[a],

---

[a] **18:5** ***Owaz*** – käbir golýazmalarda *hatar.*

dünýäniň dört künjegine – olaň
sözleri.
Hudaý Gün üçin göklerde dikdi
çadyry,
6 Gün gelin jaýdan giýew dek
çykýar,
ylgamakçy bolýan ýüwrük
kimin şatlanýar.
7 Gökler gözýetiminden onuň
çykyşy,
beýleki gözýetimine onuň
aýlawy,
hiç bir zat gizlin däl onuň
howrundan.
8 Rebbiň kanuny kämildir,
ol jany täzeleýär.
Rebbiň düzgüni ygtybarlydyr,
ol akmagy akyldar edýär.
9 Rebbiň buýruklary dogrudyr,
olar ýüregi şatlandyrýar.
Rebbiň tabşyryklary aýdyňdyr,
olar gözleri nurlandyrýar.
10 Rebden gorkmak päkdir,
ýaşaýar ol ebedi.
Rebbiň kararlary ygtybarlydyr,
adyldyr olaryň bary.
11 Arzuwlydyr olar altyndan,
hatda sap altynyň
köplüginden-de;
süýjüdir olar ary balyndan,
aryň mum öýjüginden damýan
baldan-da.
12 Seniň bendäňe-de duýduryş
berilýär olar arkaly;
olary berjaý etmekde beýik
sylag bar.
13 Eýsem öz ýalňyşyny kim aňyp
bilýär?
Meni gizlin ýazyklardan tämizle.
14 Öz bendäňi gora betpällik
günälerinden,
olar höküm sürmesin meniň
üstümden;
men aýypsyz bolaryn şonda,
päk bolaryn güýçli
bitabynlykdan.
15 Agzymyň sözleri, ýüregimiň
oý-pikirleri
goý, Seniň huzuryňda kabul
edilsin,
ýa Reb, meniň Gaýam hem
Halasgärim.

### 19-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.
Dawudyň mezmury.*
2 Muşakgatly günde Reb saňa
jogap bersin,
Ýakubyň Hudaýy seni gorasyn.
3 Ol saňa mukaddes öýden ýardam
ibersin
hem-de Siondan seni goldasyn.
4 Seniň ähli sadakalaryňy, goý,
ýada salsyn,
ýakma gurbanlyklaryňy kabul
eýlesin. *Sela*
5 Ýürek arzuwlaryňy Ol hasyl etsin,
ähli maksatlaryňa seni ýetirsin.
6 Seniň ýeňşiňe joşup şatlanarys,
Hudaýymyzyň adyna baýdaklar
dikeris.
Goý, Reb seniň ähli dilegleriňi
bitirsin.
7 Men indi bilýärin: Öz seçip-
-saýlanyny Reb halas eder.
Ol golunyň gudratly işleri bilen,
jogap berer Öz mukaddes
gögünden.
8 Käbirleri söweş arabalaryna,
käbirleri-de bedewlerine
buýsanýar,
biz bolsa Hudaýymyz Rebbiň
adyna buýsanýandyrys.
9 Olar büdrär hem-de ýykylar,
biz bolsa turarys hem dik
durarys.

10 Ýa Reb! Patyşany halas et,
çagyran wagtymyzda bize
jogap ber.

### 20-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
2 Ýa Reb! Patyşa Seniň kuwwatyňa
şatlanýar,
halas edendigiňe biçak
begenýär.
3 Ýürek arzuwlaryny Sen oňa
berdiň;
diliniň dilegini Sen ret etmediň.
4 Bol bereketleriň bilen Sen garşy
aldyň,
başyna sap altyndan jyga
geýdirdiň.
5 Ol Senden ömür diledi, Sen oňa
berdiň
ebedilik, müdimilik bir ýaşy.
6 Seniň ýeňşiň bilen beýik onuň
şöhraty,
Sen hormat bilen dabara
beslediň ony.
7 Sen oňa ebedi bereket berýäň,
huzuryňdaky şatlyk bilen ony
şat edýäň.
8 Çünki Rebbe bil baglaýar patyşa,
Beýik Hudaýyň sadyk söýgüsi
arkaly
ol sarsdyrylmaz.
9 Seniň eliň tapar ähli
duşmanlaryňy,
Seniň goluň – Seni
ýigrenýänleri.
10 Seniň huzuryň peýda bolanda,
olary edersiň otly tamdyr deý;
Reb ýuwudar olary Öz
gaharynda;
ot hem ýalmap iýer olary.
11 Ýer ýüzünden ýok edersiň
nesillerini,
ynsanlar
arasyndan – zürýatlaryny.
12 Saňa garşy erbet niýet edäýseler
hem,
dildüwşük guraýsalar hem –
üstün çykmazlar.
13 Çünki ýüzlerine peýkamlary
çenemek bilen
Sen olary yzlaryna öwrersiň.
14 Ýa Reb, beýgel Sen Öz
kuwwatyňda,
biz Seniň güýjüň barada
nagma aýdyp, alkyş aýdarys.

### 21-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*«Daňdan peýda bolýan sugunyna».*
*Dawudyň mezmury.*
2 Hudaýym, Hudaýym, näme üçin
meni terk etdiň?
Näme üçin halas ederden,
perýadymy eşiderden
uzakdasyň Sen?
3 Hudaýym, gündizine çagyrýan,
ýöne jogap bermeýäň,
gijesine – emma rahatlygy
tapmaýan.
4 Ýöne welin mukaddessiň Sen!
Ysraýyl alkyşlarynyň üstünde
tagt guransyň Sen.
5 Saňa bil bagladylar atalarymyz;
ynandylar, Sen hem halas etdiň
olary.
6 Olar Saňa perýat edip, halas
boldular;
Saňa bil bagladylar,
baglan umydynda aldanmadylar.
7 Men bolsa bir gurçuk, ynsan
däldirin:
ynsanlaryň ýüzügarasy, halkyň
kemsidýäni.
8 Meni görýänleriň bary üstümden
gülýär,

başlaryny ýaýkaýar hem
ýaňsylaýar:
9 «Rebbe tabşyrypdy özüni; goý,
Ol ony halas eýlesin,
ony azat etsin, çünki Reb ondan
köp razy!»
10 Emma Sensiň ýatgydan meni
çykaran,
enem gujagyndakam maňa
rahatlyk beren.
11 Dünýä inäýemde Saňa atyldym,
Sen – Hudaýym enem
göwresinden çykalym bäri.
12 Menden daşlaşma Sen,
çünki muşakgat ýakyn,
kömekçi-de ýok.
13 Birentek öküzler meni gurşady,
güýçli Başan öküzleri meni
gabady;
14 olar maňa açýarlar agyzlaryny
parçalaýjy, arlaýjy bir arslan ýaly.
15 Men suw kimin döküldim,
bogun-bogun söküldi ähli
süňklerim,
mum kimin meniň ýüregim
gursagymda pagyş-para eredi.
16 Güýjüm küýzäniň döwügi dek
gurady,
dilim-de kentlewügime ýapyşdy,
çünki ölüm topragynda Sen
meni goýduň.
17 Itler meniň daşymy aldy,
betkärler topary meni gurşady,
el-aýaklarymy parran deşdiler.
18 Ähli süňklerimi sanaýmalydyr,
olar maňa seredip, tomaşa edýär.
19 Özara paýlaşýarlar geýimlerimi,
eginbaşym üçin bije atýarlar.
20 Emma Sen, ýa Reb, uzakda
bolma,
eý, güýjüm, ýetiş meniň
dadyma.
21 Gylyçdan halas et meniň janymy,
itiň penjesinden – meniň
ömrümi.
22 Meni ýabany öküzden Sen halas
etdiň,
gutar meni arslanlaryň
agzyndan.
23 Seniň adyňy doganlaryma yglan
ederin,
jemagatyň ortasynda Saňa
şöhrat aýdaryn.
24 Eý, Rebden gorkýanlar, Ony
alkyşlaň!
Eý, Ýakubyň ähli zürýady, Ony
şöhratlandyryň!
Eý, Ysraýylyň bar neberesi,
Onuň öňünde galpyldaň!
25 Çünki Ol görgüliniň görgüsine
biparh bolmady,
ony ýigrenç saýmady,
Öz ýüzüni ondan kese sowmady,
gaýtam Oňa perýat edende, ony
eşitdi.
26 Uly jemagatda Saňa bolar meniň
alkyşym;
Rebden gorkýanlaryň öňünde
berjaý ederin öz kasamlarym.
27 Görgüliler gerk-gäbe iýip
doýarlar,
Rebbi agtarýanlar Ony
şöhratlandyrsyn!
Ýüregiňiz elmydama şat bolsun!
28 Ýeriň ähli uçlary Rebbi ýada
salyp, Oňa öwrüler,
halklaryň ähli uruglary Oňa
sežde ederler.
29 Çünki patyşalyk Rebbiňki,
Ol milletleriň üstünden sürýär
hökümi.
30 Oňa sežde eder dünýäniň ähli
tekepbirleri,
ölüm ýassygynda ýatanlaryň
ählisi,
janyny diri saklap bilmedikler-de,

Onuň öňünde tagzym ederler.
31-32 Zürýatlary Oňa gulluk ederler,
Taňrynyň adyny geljek nesle
yglan ederler,
«Taňry muny berjaý etdi» diýip,
Onuň halas ediş hakykatyny
indi doguljaklara yglan ederler.

### 22-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Reb – meniň çopanym;
men hiç zada mätäç bolmaryn.
2 Ol meni ýaşyl örülerde ýatyrýar,
siňňin akýan suwlaryň
ýakasyna äkidýär.
3 Meniň janymy Ol täzeleýär
hem-de Öz adynyň hatyrasyna
dogrulyk ýollaryndan meni
äkidýär.
4 Tüm garaňky dereden
geçäýemde-de,
ýamanlykdan gorkmaýaryn
men,
çünki Sen meniň bilensiň.
Seniň hasaň, çopan taýagyň
aram berýär janyma meniň.

5 Sen maňa saçak ýazýarsyň
duşmanlarymyň gözleriniň
alnynda;
ýag çalýarsyň meniň başyma;
pürepürdir meniň pyýalam.
6 Bilýärin, ýagşylyk we sadyk söýgi
ömürboýy hemra bolarlar maňa;
ömürbaky ýaşaryn Rebbiň
öýünde.

### 23-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Rebbiňkidir ýer we ondaky zatlar,
älem hem-de onda ýaşaýanlar.
2 Çünki Ol deňizler üstünde ýeriň
düýbüni tutdy
hem-de ony suwlaryň üstünde
gurdy.
3 Rebbiň dagyna kim çykyp biler?
Mukaddes öýünde kim durup
biler?
4 Elleri päk, ýüregi-de ak,
köňlüni galplyga
gönükdirmeýän,
hile bilen kasam etmeýän ynsan.
5 Ol Rebden alar ak pata,
halas edýän Hudaýyndan alar
aklanma.
6 Ony – Ýakup Hudaýynyň ýüzüni
agtarýanlaryň
neslindendir ol.
7 Eý, derwezeler, başlaryňyzy
galdyryň!
Eý, gadymy gapylar, ýokary
galyň!
Şöhrat Şasy içerik girsin!
8 Bu şöhrat Şasy kim?
Rebdir güýçli, kuwwatly,
Rebdir, söweşdäki kuwwatly.
9 Eý, derwezeler, başlaryňyzy
galdyryň!
Eý, gadymy gapylar, ýokary
galyň!
Şöhrat Şasy içerik girsin!
10 Bu şöhrat Şasy kim?
Ol – Hökmürowan Reb we
şöhrat Şasy.

### 24-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

*Alef*

1 Ýa Reb, men köňlümi Saňa göge
göterýän.

*Bet*

2 Eý, Hudaýym, men Saňa bil
baglaýan;
men utanja galmaýyn;
duşmanlarym menden üstün
çykmasyn.

*Gimel*
[3] Saňa intizarlar galmasynlar utanja,
nähak ýere hyýanat edýänler
galsyn utanja.
*Dalet*
[4] Ýa Reb, maňa salgy ber Öz
ýollaryňy
hem-de öwret maňa ýodalaryňy.
*He*
[5] Meni hakykatyňda ýöret hem
maňa öwret,
çünki meni halas edýän Hudaý
Sen;
men uzakly gün Saňa
intizardyryn.
*Zaýin*
[6] Ýa Reb, ýadyňa sal merhemetdir
sadyk söýgiňi,
çünki olar bardyr gadymdan
bäri.
*Ḥet*
[7] Ýatlama Sen ýaşlyk günälerimi
hem-de bitabynlyk ýodalarymy.
Ýa Reb, sadyk söýgiňe görä,
Öz ýagşylygyň hatyrasyna ýada
sal meni.
*Ṭet*
[8] Reb ýagşy hem-de dogrudyr
Ol günäkärlere Öz ýoluny
öwredýär.
*Ýod*
[9] Dogry ýola gönükdirýär göwni
pesleri
Öz ýoluny pespällere öwredýär.
*Kaf*
[10] Onuň ähtiniň düzgünlerini
saklaýanlara
söýgi bilen sadyklykdyr Rebbiň
ähli ýollary.
*Lamed*
[11] Ýa Reb, Öz adyň hatyrasyna
bagyşla Sen meniň etmişlerimi,
çünki uludyr olar.
*Mem*
[12] Rebden gorkýan ynsan bar bolsa,
Reb oňa öwreder saýlamaly
ýoluny.
*Nun*
[13] Ol ýaşajakdyr bolelinlikde,
ýeri miras alar onuň zürýady.
*Sameh*
[14] Reb Öz niýetini Ondan
gorkýanlara aýan eýleýär,
Ol olara Öz ähtini bildirýär.
*Ğaýin*
[15] Gözlerim mydama Rebbe garap
dur,
çünki Ol aýaklarymy tordan
çykarar.
*Pe*
[16] Maňa öwrül-de, merhemet eýle,
çünki men ýalňyz, ezýetlidirin.
*Tsadi*
[17] Ýüregimiň gaýgy-hasraty artdy;
jebir-jepalarymdan halas et
meni.
*Reş*
[18] Muşakgatym bilen yzama seret
hem-de meniň ähli
günälerimi öt.
*Reş*
[19] Gör Sen köpdügini
duşmanlyrymyň,
olar güýçli ýigrenç bilen
ýigrenýär meni.
*Şin*
[20] Janymy gora-da, halas et meni,
utanmaýyn, çünki pena
edindim Seni.
*Taw*
[21] Kämillikdir dogrulyk meni
gorasyn,
çünki men Saňa intizardyryn.
[22] Eý, Hudaý, ysraýyl halkyny
ähli muşakgatlardan Sen halas
eýle.

## 25-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Meni akla, ýa Reb, çünki aýypsyz
gezdim,
bil bagladym Rebbe,
yranmaryn men.
2 Meni barla, ýa Reb, hem meni
derňe,
meniň pikirlerimi, ýüregimi
syna.
3 Çünki söýgiň gözlerimiň alnynda,
gezdim men Seniň
sadyklygyňda.
4 Bolgusyzlar bilen men
oturmaýaryn,
ikiýüzlülere ýaran bolmaýaryn.
5 Betkärleriň üýşmeleňini
ýigrenýärin;
erbetleriň ýanynda oturmaryn
men.
6 Ellerimi ýuwup ýazyksyzlykda,
aýlanyp gurbanlyk sypaň
daşyndan, ýa Reb,
7 Saňa şükür nagmasyny aýdýaryn;
ähli gudratly işleriňi mälim
edýärin.
8 Ýa Reb, söýýärin mesgen tutan
öýüňi –
Seniň şöhratyňyň mesgen tutan
ýaşalgasyny.
9 Günäkärleriňki bilen bile alma
meniň janymy,
ganhorlaryňky bilen bile –
ýaşaýyşymy.
10 Olaryň elinde haýynlyk bardyr;
gollary para-peşgeşden doludyr.
11 Men bolsa gezýärin aýypsyzlykda,
meni halas et, maňa merhemet
eýle.
12 Tekiz ýerde dur meniň aýagym,
Rebbe alkyş aýtjak men
jemagatda.

## 26-njy mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Reb – nurum hem Halasgärim,
men kimden heder edeýin?
Reb ömrümiň penasy:
men kimden wehim edeýin?
2 Betkärler: duşmanlarym hem
ýagylarym
töhmetleri bilen maňa hüjüm
edende
özleri büdreýär hem-de
ýykylýar.
3 Bir goşun meni gabasa – ýüregim
sarsmaz,
maňa garşy uruş tursa-da,
umytdan düşmerin.
4 Rebden bir zat diledim, islegim
şudur:
Rebbiň öýünde ömürboýy
ýaşamak,
Rebbiň gözelligini höwes bilen
synlamak,
Onuň ybadathanasynda doga-
-dilegler etmek.
5 Çünki Ol muşakgatlyk wagtynda
meni gorar Öz penasynda
hem-de gizlär Öz çadyrynda;
Ol gaýanyň üstüne meni galdyrar.
6 Indi meniň ýeňişli başym
meni gurşan duşmanlarymyň
depesinden garaýar.
Şadyýanlyk şowhunyny
Onuň çadyrynda hödür ederin;
Rebbe nagma aýdyp, owaz
ederin.
7 Ýa Reb, dat-perýatly sesimi eşit;
merhemet eýle-de, maňa jogap
ber.
8 «Onuň ýüzüni agtar» diýýär
ýüregim.
Ýa Reb, Seniň ýüzüňi
agtarýaryn men.

9 Sen gizleme menden ýüzüňi,
gazabyňda kowma Sen Öz
guluňy;
Sen maňa kömekçi bolduň;
meni taşlama hem-de terk etme,
eý, Halasgär Hudaýym meniň!
10 Hatda ata-enem terk edäýse-de,
Reb men barada alada eder.
11 Ýa Reb, maňa ýoluňy öwret
hem-de duşmanlarym sebäpli
meni düz ýodadan alyp git.
12 Duşmanlarymyň eline meni
tabşyrma,
çünki ýalan şaýatlar çykdy
garşyma,
olar zalymlygyny pürkýärler maňa.
13 Ýöne diriler ýurdunda Reb
ýagşylygyny
görjekdigime ynanýaryn men.
14 Rebbe umyt bagla;
mert bol, goý, güýçlensin seniň
ýüregiň;
Rebbe umyt bagla.

## 27-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Ýa Reb, Seni çagyrýaryn;
eşitmezlige salma, eý, meniň
Gaýam,
dymma, gabra inýänlere
meňzemäýin men.
2 Saňa dat-perýat eden wagtymda,
iň mukaddes otagyňa tarap
ellerimi galdyranymda,
ýalbaryşlarymyň sesini eşit.
3 Erbetler, betkärler bilen bile meni
süýreme;
olar parahat gepleşýärler
goňşusy bilen,
emma welin pislik bar
ýüreklerinde.
4 Olaryň etmişlerini, eden
ýamanlygyny
özlerine gaýtar;
elleriniň edenlerini özlerine
gaýtar;
edenlerine laýyk öwezini ber.
5 Rebbiň işlerine, Onuň elleriniň
işine
üns bermeýändikleri sebäpli,
Ol weýran eder olary
hem-de gaýdyp bina etmez
olary.
6 Rebbe alkyş bolsun!
Ol eşitdi perýadymyň sesini.
7 Reb meniň güýjüm hem-de
galkanym;
Oňa bil baglady meniň
ýüregim,
Ol maňa ýardam edýär, ýüregim
biçak şatlanýar;
Oňa nagmam bilen şükür
ederin.
8 Reb halkyň güýjüdir,
seçip-saýlanynyň halas
berkitmesi Oldur.
9 Öz halkyňy halas et, saýlan
halkyňa pata ber,
olara çopançylyk et, mydama
olary eliňde göter!

## 28-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Reb barada aýdyň, eý, ylahy
barlyklar,
Rebbiň şöhratlydygy,
kuwwatlydygy barada aýdyň.
2 Rebbiň adyny mynasyp
şöhratlandyryň;
şanly mukaddesliginde Oňa siz
sežde ediň.
3 Rebbiň sesi suwlaryň ýüzünde,
Hudaýyň şöhraty gümmürdeýär,
Reb ummasyz suwlardan
üstündir.
4 Rebbiň sesi kuwwatlydyr,

Rebbiň sesi şan-şöhratlydyr.
5 Rebbiň sesi kedr agaçlaryny
döwýär,
Reb Liwan kedrlerini owradýar.
6 Ol Liwan dagyny göle deý,
Sirýon dagyny-da[a] ýabany
öküzçe deý
bökdürýär.
7 Rebbiň sesi ýyldyrymlar
çakdyrýar.
8 Rebbiň sesi çöli sarsdyrýar,
Reb Kadeş çölüni sarsdyrýar.
9 Rebbiň sesi keýikleri guzladýar,
tokaýlary ýalaňaçlaýar;
Onuň ybadathanasynda hemmeler
«Hudaýa şöhrat!» diýýär.
10 Reb siliň ýokarsynda tagt gurup
oturýar.
Reb Şa hökmünde baky oturýar.
11 Goý, Reb Öz halkyna güýç-
-kuwwat bersin
hem-de ony parahatlyk bilen
ýalkasyn!

## 29-njy mezmur

1 *Dawudyň mezmury. Ybadathana bagyş edilende aýdylýan nagma.*
2 Ýa Reb, Seni beýgeltjek,
çünki Sen ýokary meni galdyrdyň,
meni duşman gülküsine
goýmadyň.
3 Ýa Reb, Hudaýym, Saňa dat-
-perýat etdim,
Sen hem maňa şypaňy berdiň.
4 Ýa Reb, Sen meniň janymy
ölüler dünýäsinden çykaryp
aldyň;
gabra inmezim ýaly, ýaşaýyş
berdiň.
5 Eý, Rebbiň sadyklary, Oňa
nagmalar aýdyň;
mukaddes adyna şükürler ediň.
6 Çünki bir salymlyk Onuň gazaby;
ömürboýy dowam edýär
mähribanlygy.
Agşamdan daňa çenli agy
ýaňlanar,
ertirine bolsa şadyhorramlyk
geler.
7 Men şeýle diýdim öz
rahatlygymda:
«Meni asla hiç zat sarsdyrmaz».
8 Ýa Reb, Öz hoşamaýlygyň bilen
meni dag dek kuwwatly etdiň;
gizlediň Sen menden ýüzüňi,
şonda gorky gaplady meni.
9 Ýa Reb, Seni çagyrdym;
Taňrymdan merhemet diläp,
dat-perýat etdim.
10 Diýdim «Men ölüp, inemde gabra,
munuň peýdasy bolarmy Saňa?
Toprak Saňa öwgi aýdyp bilermi?
Seniň wepalylygyňy beýan
edermi?»
11 Ýa Reb, meni eşit-de, merhemet
eýle!
Ýa Reb, Sen bol meniň
kömekçim.
12 Sen meniň ýasymy toýa öwürdiň,
ýas julumy çykaryp,
meni begenç lybasyna beslediň.
13 Kalbym Saňa nagma aýtsyn,
dymmasyn.
Saňa baky şükür etjek, ýa Beýik
Hudaýym!

## 30-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawudyň mezmury.*
2 Ýa Reb, men Seni pena edinýärin,
meni hiç haçan utanja goýma;
dogrulygyň bilen halas et meni.

---

[a] **28:6** ***Sirýon dagy*** – bu Hermon dagynyň beýleki ady.

3 Maňa gulak goý,
tiz ýetiş meniň dadyma;
bol Sen meni penalaýan bir gaýa,
halas bolmagym üçin bir
mäkäm gala.
4 Çünki meniň gaýam hem galam
Sensiň;
Öz adyň hatyrasyna ýol görkez
maňa,
meni ugrukdyr.
5 Maňa gurlan tordan Sen meni
çykar,
çünki Sen meniň penamsyň.
6 Seniň eliňe tabşyrýaryn men öz
ruhumy;
meni halas etdiň, ýa Reb,
hakykatyň Hudaýy.
7 Ýigrenýärin dereksiz butlara
sygynýanlary;
men diňe Rebbe baglaýan bili.
8 Begenip şatlanaryn sadyk söýgiňe,
çünki Sen muşakgat halymy
gördüň,
janymyň çekýän derdini bildiň;
9 tabşyrmadyň meni duşman eline;
duruzdyň aýaklarymy giň ýerde.
10 Ýa Reb, maňa merhemet eýle,
sebäbi men hasrat içinde;
gaýgy-gamdan ýaňa gözüm
küteldi;
meniň janym hem-de bagrym
gurady.
11 Ömrüm soňlanyp barýar gam-
-gussa bilen;
ýyllarym-da dat-perýat bilen;
günäm zerarly kuwwatym gaçdy
hem-de meniň süýeklerim
gurady.
12 Ýüzügara boldum ähli
ýagylaryma,
ylaýta-da öz goňşularyma;
betnyşan boldum men
tanyşlaryma;
köçede görýänler menden
gaçýarlar.
13 Merhum dek unudyldym men;
bir döwlen küýzä öwrülendirin.
14 Çünki köpleriň ýamanlamasyny
eşidýärin men,
maňa garşy dildüwşük
guranlarynda,
janyma kast etmekçi
bolanlarynda,
töwerek-daşymy gorky gaplaýar.
15 Emma, ýa Reb, Saňa bil
baglaýaryn men;
Men diýýärin: «Sensiň meniň
Hudaýym».
16 Ömrümiň günleri Seniň eliňde;
halas et meni ýagylarymyň
hem-de meni yzarlaýanlaryň
elinden.
17 Saç ýüzüňiň nuruny bendäň
üstüne;
sadyk söýgiň bilen meni halas et.
18 Ýa Reb, meni utanja goýma,
çünki Seni çagyrýaryn men;
goý, erbetler utanja galsyn;
ölüler dünýäsine inip, goý, olar
dymsyn.
19 Tekepbirlik hem-de kemsitme
bilen
dogry ynsana sögýän ýalan
diller lal bolsun.
20 Seniň ýagşylygyň neneňsi uly!
Özüňden gorkýanlar üçin
saklaýaň ony;
adamzat öňünde Saňa bil
baglaýanlara
edýärsiň Sen bu ýagşylygy.
21 Sen ynsan dildüwşüklerinden
olary Öz huzuryň saýasynda
gizleýäň;
dilleriň dawalaşmagyndan
çadyryň howpsuzlygynda
saklaýaň.

22 Rebbe alkyş bolsun!
Çünki Ol daşy gabalan şäherde
maňa ajaýyp söýgüsini görkezdi.
23 Öz howsalamda şeýle oýladym:
«Men Seniň nazaryňdan
taşlandym».
Ýöne Saňa perýat eden wagtymda
Sen dady-perýatlarymy eşitdiň.
24 Eý, Rebbiň ähli sadyklary, söýüň
siz Ony!
Reb goraýar Özüne wepadarlary,
doly jeza berýär tekepbirlik
edýäne.
25 Eý, Rebbe umyt baglaýanlaryň
bary,
batyr boluň, kuwwatlansyn
ýürekleriňiz!

## 31-nji mezmur

*Dawudyň maskili*

1 Ýazygy bagyşlanan, günäsi
örtülen adam
nähili bagtly!
2 Reb tarapyndan etmişi hasaba
alynmaýan,
ruhunda hile ýok adam nähili
bagtly!
3 Men dymyp,
uzakly gün zar-zar aglanymda,
gurap galdy meniň süňklerim.
4 Çünki gije-gündiz eliň üstüme
agramyn saldy,
tomus yssysynda ýaly ysgynym
gaçdy. *Sela*
5 Saňa äşgär etdim men öz günämi
hem-de gizlemedim etmişlerimi.
Diýdim: «Reb ýanynda boýun
aljak ýazyklarymy».
Sen hem bagyşladyň günämiň
ýazygyny. *Sela*
6 Munuň üçin sadyklaryň her biri
günäsini aňlan wagty Saňa
etsin dogany.
Şonda, muňa ýokdur hiç şübhe:
oňa ýetmez köp suwlaryň
joşmagy.
7 Sensiň meniň gizlenýän ýerim;
goraýarsyň meni
howp-hatarlardan;
Sen meni halas eýlediň,
ýüregime şatlyk nagmasyn
goýduň. *Sela*
8 «Men saňa öwüt bererin,
ýöremeli ýoluňy salgy
bererin;
maslahat bererin, sende bolar
Meniň nazarym.
9 Düşünjesiz at ýa gatyr dek bolma:
agyzzyryk bilen uýan bolmasa
bilmeýärler olar gitjek ýoluny».
10 Köp bolýandyr erbetleriň gaýgysy,
emma Rebbe bil baglaýanlary
gurşap alýar Onuň sadyk
söýgüsi.
11 Eý, dogry adamlar, Rebde
begeniň hem-de şatlanyň!
Eý, ýüregi dogrular, hemmäňiz
heşelle kakyň!

## 32-nji mezmur

1 Eý, dogry adamlar, şatlanyň
Rebde,
dogruçyla alkyş aýtmak
gelişýär.
2 Rebbe alkyş aýdyň lirada,
Oňa mukam çalyň on kirişli
guralda.
3 Aýdyň Oňa täze nagmany,
şadyýan gygyryşyp,
ussatlarça çalyň öz sazyňyzy.
4 Çünki Rebbiň sözi dogry,
wepalydyr Onuň ähli işleri.
5 Ol dogrulygy, adalaty söýýändir;
ýer ýüzi Rebbiň sadyk
söýgüsinden doludyr.
6 Ýaradyldy gökler Reb sözi bilen,

bar asman jisimleri – agzynyň
nepesi bilen.
7 Ol deňiz suwlaryny üýşmek
kimin ýygnady,
düýpsüz suwlary howdanlara
sygdyrdy.
8 Bütin ýer ýüzi, goý, Rebden
gorksun;
dünýäde ýaşaýanlaryň bary
Ondan eýmensin.
9 Çünki Ol aýtdy – aýdany boldy;
Ol buýurdy – buýrany hem berk
durdy.
10 Reb milletleriň maslahatyny hiç
edýär,
halklaryň niýetlerini puja
çykarýar.
11 Emma ebedidir Reb maslahaty,
Onuň ýürek
pikirleri – nesillerboýy.
12 Hudaýy Reb bolan millet
bagtlydyr;
Öz genji hökmünde saýlan
halky bagtlydyr.
13 Reb göklerden nazar aýlaýar,
Ol adamzadyň baryny görýär.
14 Tagtynda oturan ýerinden
ýeriň ähli ilatyna nazar aýlaýar:
15 Oldur her biriniň ýüregini
ýaradan,
olaryň ähli işlerine düşünýän.
16 Patyşany halas etmez uly goşuny,
uly güýji halas etmez batyry.
17 Güýçli bedew ýeňşi
kepillendirmez,
uly güýji bilen hiç kimi ol halas
etmez.
18 Ine, Rebbiň nazary Ondan
gorkýanlarda,
sadyk söýgüsine umyt
baglaýanlarda.
19 Ölümden olaň janyny Ol halas
eder,
açlyk döwründe-de aman
galdyrar.
20 Rebbi pena edinýär biziň
janymyz,
Ol – kömegimiz we
galkanymyz.
21 Onda şatlanýar ýüreklerimiz,
çünki mukaddes adyna bil
baglaýandyrys.
22 Ýa Reb, biz Saňa umyt
baglaýandyrys.
Seniň sadyk söýgiň bize ýar
bolsun!

### 33-nji mezmur

1 *Dawudyň Abymelegiň öňünde özüni dälilige uran wagtyndaky mezmury. Abymelek Dawudy kowandan soň, ol gitdi.*

*Alef*

2 Men Rebbe hemişe alkyş aýdaryn,
Oňa öwgi elmydama agzymda
bolar.

*Bet*

3 Reb bilen meniň janym magtanar,
pespäller eşider hem-de şat bolar.

*Gimel*

4 Meniň bilen bile Rebbi öweliň,
beýgeldeli bilelikde Onuň adyny.

*Dalet*

5 Men Rebbi agtardym, Ol jogap
berdi
hem-de ähli howplardan meni
halas eýledi.

*He*

6 Oňa nazar salyň, nurlanarsyňyz,
asla utandyrylmaz siziň
ýüzüňiz.

*Zaýin*

7 Men-biçäre Rebbi çagyrdym, Ol
hem eşitdi,
meni ähli azaplarymdan halas
eýledi.

*Ḥet*
8 Reb perişdesi Ondan gorkýanlary
gurşaýar,
olary bela-beterden halas
eýleýär.
*Ṭet*
9 Dadyp görüň Reb ýagşylygyny,
Ony pena edinýän nähili
bagtly!
*Ýod*
10 Rebden gorkuň, eý, Onuň
mukaddesleri,
Ondan gorkýanlaryň ýok
mätäçligi.
*Kaf*
11 Hatda ýolbarslar hem çekýär ejir
bilen açlygy,
Rebbi agtarýanlar bolsa çekmez
hiç mätäçligi.
*Lamed*
12 Geliň, eý, ogullarym, diňläň siz
meni,
öwredeýin size Rebden
gorkmagy.
*Mem*
13 Isleýärmiň döwran sürmegi?
Göresiň gelýärmi ýagşy
günleri?
*Nun*
14 Ýamanlykdan sakla sen öz diliňi
we hileli gepden – dodaklaryňy;
*Sameh*
15 ýamanlykdan aýryl, et sen
ýagşylyk,
parahatlyk agtar, onuň yzyndan
galma.
*Ğaýin*
16 Dogry adamlarda Rebbiň gözleri,
perýatlaryna açyk Onuň gulagy.
*Pe*
17 Rebbiň ýüzi betkärlere garşydyr;
olary ýatlamadan ýer ýüzünde
nyşan galdyrmaz.
*Tsadi*
18 Reb eşidýär dogrular perýat
edende,
Ol olary ähli muşakgatlaryndan
halas eýleýär.
*Ḳof*
19 Reb kalby synyklara ýakyndyr;
ruhdan düşenleri halas edýändir.
*Reş*
20 Dogry ynsanyň dertleri köpdür,
emma Reb ähliсinden ony halas
edýändir.
*Şin*
21 Onuň ähli süňklerini goraýar,
olaryň biri hem döwülmez.
*Taw*
22 Ýamanlyk erbet adamy öldürer,
dogry adamy ýigrenýän höküm
ediler.
23 Reb Öz bendelerini halas
edýändir,
Ony pena edinýänleriň hiç biri
höküm edilmez.

### 34-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*
1 Ýa Reb, meniň bilen
dawalaşýanlar bilen Sen
dawalaş;
meniň bilen söweşýänler bilen
Sen söweş;
2 sowudyňy geý, galkanyňy al,
dadyma ýetiş.
3 Meni kowalaýanlara garşy
naýzaly, aýpaltaly çyk.
Kalbyma diý:
«Halasgäriň – Men».
4 Janymyň kastyna çykanlar, goý,
utanyp masgara bolsun;
maňa garşy erbetlik niýetlänler
yzyna dönsün, ýüzi gyzarsyn.
5 Goý, olar ýel öňündäki ownuk
saman dek bolsun;

Rebbiň perişdesi olary syryp
äkitsin.
6 Goý, olaryň ýoly garaňky hem
sürçek bolsun;
Rebbiň perişdesi olary kowsun.
7 Çünki sebäpsiz ýere meniň üçin
duzak gurdular;
sebäpsiz ýere meniň üçin çukur
gazdylar.
8 Goý, heläkçilik duýdansyz olaň
başyna insin,
gizlin guran duzaklaryna özleri
düşsün,
heläkçilige uçranda, goý, şoňa
düşsün.
9 Meniň janym bolsa Rebde şat bolar;
meni halas edendigine begener.
10 Şeýle diýer meniň ähli süňklerim:
«Ýa Reb, eýsem Sen ýaly
barmy?
Sen ejizi gutarýarsyň güýçlüden,
pukaradyr
mätäçleri – talaňçysyndan».
11 Betniýet şaýatlar garşyma çykýar,
bilmeýän zadymy menden
soraýar.
12 Ýagşylygyma ýamanlyk edýär,
meniň janymy hossarsyz goýýar.
13 Men bolsa jul geýerdim olar
syrkawka,
agyz bekläp, özümi pespäl
tutardym;
emma jogapsyz galdy
doga-dilegim.
14 Men olara dostum ýa doganym
ýaly garardym,
ejeme ýas tutýan dek başym
aşak salyp,
matam tutardym.
15 Olar bolsa büdränime şatlanyp,
ýygnanardylar;
myjabatçylar maňa garşy
toplanardylar;
agsan bolup, meni ýaňsylardylar;
meni dyngysyz parçalardylar.
16 Şikeslini ýaňsylaýan hudaýsyzlar
dek,
olar maňa dişlerini gyjaýardylar.
17 Ýa Taňry, Sen haçana çenli muňa
seretjek?
Olaryň süteminden halas et
meniň janymy,
arslanlardan halas et
ýeke-tägimi.
18 Men uly ýygnakda Saňa şükür
ederin,
köp sanly halkyň arasynda Seni
şöhratlandyraryn.
19 Maňa nähak duşman bolanlar,
goý, şatlanmasyn,
Meni nähak ýere ýigrenýänler
göz gypyşmasyn.
20 Çünki olar asudalyk barada
gürrüň etmeýärler,
tersine, ýer ýüzündäki
asudahalarlara garşy
hileli sözleri oýlap tapýarlar.
21 Meni aýyplap, agyzlaryny giňden
açýarlar:
«Hä-ä, öz gözümiz bilen
görendiris!» diýýärler.
22 Ýa Reb, Özüň gördüň, dymma!
Ýa Taňry, menden uzakda
bolma.
23 Meniň hakym hem dawam üçin,
gaýrata gal, oýan, eý, Hudaýym,
Taňrym.
24 Dogrulygyňa laýyklykda
meni akla, eý, Beýik Hudaýym;
heşelle kakmasynlar meniň
üstümden.
25 Ýürekden: «Hä-ä, ýürek islegimiz
ýerine düşdi:
biz ondan dyndyk» diýip, olar
aýtmasyn.
26 Hasratyma şatlanýanlaryň bary

ýüzleri gyzaryp, biabraý bolsun;
öňümde özüni beýgeldýänleriň
eginbaşlary
utanç hem-de betnamlyk bolsun.
27 Meniň haklylygymy isleýänler
şatlanyp,
heşelle kaksyn,
«Öz bendesine parahatlyk isleýän
Rebbiň
belentligi artsyn» diýip,
dyngysyz aýtsyn.
28 Meniň dilim Seniň dogrulygyňy
aýdar
hem-de uzakly gün Saňa ol
alkyş eder.

### 35-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Rebbiň guly Dawudyň mezmury.*
2 Erbet adamyň etmişi ýüreginde
seslenýär,
Ol Hudaýdan asla gorkmaýar.
3 Çünki günäsini tapyp, ony
ýigrenerinden,
juda hoşdur onuň göwni
özünden.
4 Agzynyň sözleri – betlik hem hile,
paýhaslanyp, ýagşylyk etmegi
hiç islemeýär.
5 Düşeginde ýamanlyk etmegiň
ýollaryny oýlaýar,
bet ýola düşýär, ony asla
ýigrenç saýmaýar.
6 Ýa Reb, göklere ýetýär Seniň
söýgiň,
bulutlara ýetýär wepadarlygyň.
7 Seniň dogrulygyň belent daglar deý,
Seniň adalatly hökümleriň
düýpsüz çuňluk deý.
Ýa Reb, Sen ynsany, haýwany
halas edýärsiň.
8 Eý, Hudaý, sadyk söýgiň neneň
gymmatly!
Seniň ganatlaryňyň saýasy
ynsan ogullaryna pena
bolýandyr.
9 Öýüňiň näz-nygmatyndan
doýýarlar;
Sen olary Öz lezzet derýaňdan
gandyrýaň.
10 Çünki ýaşaýşyň gözbaşy Sende,
biz nur görýäris Seniň nuruňda.
11 Seni tanaýanlara dowam etdir
sadyk söýgiňi,
ýüregi dogrulara – dogrulygyňy.
12 Tekepbiriň aýagy meni
basgylamasyn,
erbet adamlaryň eli meni
kowmasyn.
13 Betkärler ol ýerde ýykyldylar,
ýere ýazyldylar, galyp
bilmeýärler.

### 36-njy mezmur

*Dawudyň mezmury*
*Alef*
1 Erbet iş edýänlere janyňy ýakma,
naýynsaplara höwesli bakma.
2 Çünki olar tiz wagtda ot kimin
gurar,
gök ösümlik kimin saralyp
solar.
*Bet*
3 Rebbe bil bagla, et sen ýagşylyk,
ýurtda ýaşap, ýaýna asudalykda.
4 Rebden teselli tap,
ýürek arzuwlaryňy Ol hasyl eder.
*Gimel*
5 Ýoluňy Rebbe tabşyr, Oňa bil
bagla,
şonda Ol saňa hemaýat berer.
6 Nur deý ýalpyldadar dogrulygyňy,
günorta çagy deý – haklylygyňy.
*Dalet*
7 Ümsüm bol Rebbiň öňünde,
Oňa sabyrly garaş,

ýoly rowaç betniýete höwesli
bakma.

*He*

8 Gahardan saklan, gazaby taşla,
aladaçyl bolma: ol şere elter.
9 Çünki kesilip taşlanar pislik
edýänler,
Rebbe intizarlar ýeri miras
alarlar.

*Waw*

10 Az-kem sabyr et, erbetler ýok
bolarlar,
ýerlerine göz aýlarsyň, ýöne
tapmarsyň.
11 Pälipes adamlar bolsa ýeri miras
alarlar,
abadançylykda ýaşap, hezil
ederler.

*Zaýin*

12 Erbet dogry adama hyýanat
edýär
hem-de oňa dişlerini gyjaýar.
13 Taňry bolsa onuň üstünden
gülýär,
çünki onuň wagtynyň
dolýandygyny görýär.

*Ḥet*

14 Garyp bilen mätäji ýere
çalmaklyk üçin,
dogry ýoldan barýanlary
öldürmek üçin,
erbet adamlar gylyç syryp,
ýaýyny gurýar.
15 Emma gylyçlary öz ýüreklerine
sanjylar,
olaryň ýaýlary hem kül-owram
bolar.

*Ṭet*

16 Dogry ynsanyň az zady
ähli erbetleriň baýlygyndan
ýagşydyr.
17 Çünki erbetleriň gollary döwler,
ýöne Reb dogrulary söýgetlär.

*Ýod*

18 Reb kämilleriň günlerini
bilýändir,
olaryň mirasy ebedi galar.
19 Olar ýaman wagty utandyrylmaz,
dok bolarlar açlyk döwründe.

*Kaf*

20 Emma erbetler heläk bolarlar,
Rebbiň duşmanlary örüleriň
gözelligi deý ýitip giderler,
gaýyp bolarlar, tüsse içinde
sumat bolarlar.

*Lamed*

21 Erbet adam karz alyp, yzyna
bermez,
dogry ynsan bolsa jomart we
eli açyk.
22 Çünki Onuň ýalkanlary ýeri
miras alarlar,
Onuň garganlary bolsa gyrlyp
ýok bolar.

*Mem*

23 Reb dogrynyň gadamyny
berkarar edýär,
Ol onuň ýolundan göwnühoş
bolýar.
24 Ýykylmaz bu ynsan büdräýende
hem,
çünki Reb onuň elinden tutýar.

*Nun*

25 Ýaş ýigitdim, indi garradym,
ýöne dogry ynsanyň terk
edilenini
ýa zürýadynyň çörek dilenenini
heniz görmedim.
26 Elmydama eli açyk hem-de karz
berýär;
olaryň neslinden ýalkanyş
geler.

*Sameh*

27 Şer işden gaça dur hem et
ýagşylyk –
baky ýaşarsyň.

*Ğaýin*

28 Çünki Reb adalaty söýýändir,
Ol sadyk ynsany terk edýän däldir;
dogry ynsan baky goralar,
ýöne erbetleriň zürýatlary gyrlyp ýok bolar.
29 Dogry ynsanlar ýeri miras alarlar
hem-de onda baky mesgen tutarlar.

*Pe*

30 Dogry adamyň agzy danalygy sözleýär,
onuň dili adalaty beýan eýleýär.
31 Onuň ýüregindedir Hudaýyň kanuny,
taýýan däldir onuň aýagy.

*Tsadi*

32 Erbet dogry ynsany aňtaýar,
ony öldürmäge pursat peýleýär.
33 Ýöne Reb ony erbediň eline bermez;
kaza getirilende, ony aýyply çykarmaz.

*Ķof*

34 Rebbe umyt bagla, Onuň ýoluny sakla,
Ol hem ýeri miras almagyň üçin seni beýgelder;
sen erbetleriň ýok edilenini görersiň.

*Reş*

35 Men yzgytsyz erbet adamyň çynar dek
gögeren ýerinde ýaýrap oturanyny gördüm.
36 Birdenkä ol gaýyp boldy-da gitdi;
men ony gözledim, emma tapmadym.

*Şin*

37 Kämil ynsany synla, dogry adama seret.
Parahat ynsanyň gelejegi bar.
38 Emma günäliler bütinleý weýran ediler;
erbetleriň gelejegi ýok bolar.

*Taw*

39 Reb dogry ynsanlary halas edýändir,
muşakgatlykda olara pena bolýandyr.
40 Reb olara kömek berer we halas eder;
olary erbetlerden gutarar we halas eder,
çünki olar Ony pena tutunýar.

### 37-nji mezmur

1 *Dawudyň ýatlanma dilegi*
2 Ýa Reb, gaharyňda meni ýazgarma,
gazabyňda meni terbiýeleme.
3 Çünki peýkamlaryň parran geçdi içimden,
Seniň eliň agram salýar meniň üstümden.
4 Gaharyň zerarly tenimiň abat ýeri ýok,
günäm zerarly bedenimde saglyk ýok.
5 Çünki ýazyklarym başymdan agdy,
agyr ýük deý maňa agramyn saldy.
6 Akmaklygym zerarly
ýaralarym iriňledi hem-de porsady.
7 Iki bükülip, ýere ýazyldym,
men uzakly gün ýas tutup gezýän.
8 Çünki ysytmadan doludyr bilim,
bedenimiň abat ýeri galmady.
9 Halys tapdan düşdüm, mydar galmady,
ýürek yzasyndan zar-zar gygyrýan.
10 Ýa Taňry, Saňa aýan ähli dilegim,

Senden gizlin däldir meniň
perýadym.
11 Ýüregim galpyldap, ysgynym
gaçdy,
meniň gözlerimiň nury galmady.
12 Dost-ýarlarym ýaralarym zerarly
menden daşlaşýar,
goňşularym-da menden uzakda
durýar.
13 Janymyň kastyndakylar duzak
gurýarlar;
meniň zelelimi gözleýänler
meni ýykmak hakda gürrüň
edýärler;
uzakly gün hile gurmagy niýet
edýärler.
14 Men bolsa eşidip bilmeýän ker
adam ýaly,
gürläp bilmeýän lal ynsan ýaly.
15 Dilsiz-agyzsyz ker kimin boldum.
16 Çünki, ýa Reb, men Saňa
intizardyryn;
Sen jogap berersiň, ýa Taňry
meniň Hudaýym.
17 Diýdim: «Duşmanlarym çekýän
jebrime,
goý, begenmesin,
ýykylmaýyn, ýagylarym, goý,
öwünmesin».
18 Çünki ýykylmaga golaýlandyryn,
dyngysyz agyrym bilen
ýüzbe-ýüzdürin.
19 Men öz ýazygymy boýun alýaryn,
günäm babatda hasrat çekýärin.
20 Duşmanlarym bolsa diri hem güýçli;
meni nähak ýere ýigrenýänler
köpeldi.
21 Ýagşylygyma ýamanlyk edýänler
maňa duşmandyr,
çünki ýagşylyga eýerýärin men.
22 Ýa Reb, meni terk etme!
Uzaklaşma menden, eý, meniň
Hudaýym!
23 Ýardam etmek üçin dadyma ýetiş,
ýa, Taňry meniň Halasgärim!

## 38-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy
Ýedutunyň mukamyna laýyklykda.
Dawudyň mezmury.*
2 Diýdim: «Dilimden günä
galmazlyk üçin,
ýörejek ýolumy saýgarjakdyryn;
erbetler meniň garşymda durka
agzymy jylawlap
saklajakdyryn».
3 Lal bolup, ümsümligi bozmadym,
hatda ýagşy zatlary-da
aýtmadym;
emma beterledi meniň agyrym.
4 Ýüregim tutaşdy meniň içimde,
ot alawlady oý-hyýalymda,
ahyrsoňy dilimi ýardym:
5 «Bildir, ýa Reb, meniň soňumy
hem-de galan günlerimiň
sanyny;
bildir ömrümiň panydygyny.
6 Sen meniň günlerimi bir garyş
etdiň!
Seniň nazaryňda ömrüm puç
zatdyr.
Dogrudan-da, her bir ynsan
ýeliň öwüsgini ýalydyr». *Sela*
7 «Dogrudan-da, ynsan gezýär bir
sudur kimin;
dogrudan-da, biderek ýere ol
hysyrdaýar;
ýygnaýar, munuň kime
galjagyny bilmeýär.
8 Ýa Taňry, indi nämä garaşaýyn
men?
Meniň ähli umydym Sende.
9 Ähli ýazyklarymdan meni halas et,
meni akmaklara masgara etme.
10 Lal bolup, açmaýaryn agzymy,
çünki Sen etdiň muny.

11 Aýyr menden Öz urgularyňy,
eliň zarbyna ýitip gidýärin.
12 Ynsany günäsine görä paş edip,
temmi bereňde,
guwanýan zatlaryny güýe ýaly
dargadýaň;
dogrudan-da, her bir ynsan
ýeliň öwüsgini ýalydyr!» *Sela*
13 «Ýa Reb, meniň dogamy eşit,
gulak goý dat-perýadyma;
Sen biparh garama gözýaşlaryma,
çünki men gelmişek Seniň
ýanyňda,
ähli atalarym deý men bir
keseki.
14 Nazaryňy menden sow,
gidip, ýok bolmazdan öň bir
ynjalaýyn».

### 39-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
2 Men intizar bolup, Rebbe
garaşdym,
Ol maňa tarap eglip, perýadymy
eşitdi;
3 meni heläkçilik gorpundan,
batgalyk laýyndan çykaryp
aldy;
aýaklarymy gaýanyň üstünde
durzup,
Ol meniň ädimlerimi berkitdi.
4 Ol meniň agzymda bir täze
nagma –
Hudaýymyza alkyş nagmasyn
goýdy;
köpler muny görüp gorkarlar,
hem-de Rebbe bil baglarlar.
5 Rebbe bil baglaýan ynsan nähili
bagtly!
Tekepbirlere, ýalan hudaýlara
ýüz bermeýän ynsan nähili
bagtly!
6 Ýa Beýik Hudaýym,
Seniň bilen deňär ýaly hiç kim ýok!
Seniň bize gönükdirilen
gudratly işleriň, pikirleriň
köpdür.
Men olary wagyz edip, aýdasym
gelýär,
ýöne olar sanardan köpdür.
7 Gurbanlyk bilen sadakany Sen
islemediň;
Sen meniň gulaklarymy açdyň;
ýakma gurbanlygyny, günä
gurbanlygyny
talap etmediň.
8 Şonda diýdim: «Ine, gelýärin;
kitapda men barada ýazylgy.
9 Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý
etmekden lezzet alýaryn;
Seniň kanunyň hem meniň
kalbymda».
10 Uly jemagatda dogrulygyňy men
wagyz etdim;
Sen bilýärsiň, ýa Reb, men
agzymy ýummadym.
11 Seniň dogrulygyňy ýüregimde
men ýaşyrmadym;
sadyklygyň, halas edişiň barada
men gürrüň berdim;
uly jemagatda söýgiňi,
sadyklygyňy
men gizlemedim.
12 Ýa Reb, Öz merhemetiňi menden
aýama;
Seniň söýgiň we sadyklygyň,
goý, elmydama meni gorasyn.
13 Çünki sansyz bela-beter meni
gurşady;
öz etmişlerim meniň başymdan
indi;
görüp bilmeýän:
olar başymyň saçyndan hem kän,
pagyş-para boldy meniň
ýüregim.

14 Ýa Reb, meni halas etmegi
niýetiňe sal;
ýa Reb, tiz ýetiş meniň dadyma.
15 Janyma kast edýänleriň hemmesi,
goý, utanja galsyn, ýüzi
gyzarsyn;
başyma gelen külpetlere şat
bolýanlar,
yzyna öwrülip, masgara bolsun.
16 Maňa «haý, haý!» diýýänler
utançlaryndan ýaňa, goý, dowla
düşsün.
17 Seni agtarýanlaryň bary
Sende begenip, şadyýan bolsun;
«Reb beýikdir!» diýip,
halas edişiňi söýýänler
dyngysyz aýtsyn.
18 Men bolsa garyp we mätäçdirin,
ýöne Taňry maňa gamhorlyk eder;
Sensiň kömegim hem Halasgärim,
eglenme, eý, meniň Hudaýym!

### 40-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawudyň mezmury.*
2 Ejizlere rehimli garaýan nähili
bagtly!
Ýaman günde Reb ony halas
eder.
3 Reb ony gorar, aman galdyrar,
ýer ýüzünde oňa bagtly diýerler;
Sen duşman eline ony bermersiň.
4 Hassalyk düşeginde Reb onuň
daýanjy bolar,
Reb oňa bütinleý şypa berer.
5 Men diýdim: «Ýa Reb, maňa
merhemet eýle,
şypa ber, çünki men günäli
Seniň öňüňde».
6 Duşmanlarym men barada erbet
gürrüň edýärler.
«Haçan ölüp, ady-sory ýiter?»
diýýärler.
7 Olardan biri meni görmäge gelse,
ýalan sözleýär, ýüregi gybat
toplaýar,
daşaryk çykandan soň, ony
ýaýradýar.
8 Men barada pyşyrdaşýar meni
ýigrenýänleriň bary,
maňa garşy ýaman niýet
edýärler.
9 Olar: «Ol ölüm howply bela
uçrady,
ine, ýatyr, indi galmaz»
diýýärler.
10 Hatda duzumy iýen,
bil baglan dostum maňa
haýynlyk etdi.
11 Emma Sen, ýa Reb, maňa
merhemet eýle,
meni dikelt, men olaryň
almytyny bereýin.
12 Duşmanlarym menden üstün
çykmasa,
Seniň menden hoşaldygyňy
bilerin.
13 Sen meni aýypsyzlygymda
berkidýäň;
Öz huzuryňda ebedilik
duruzýaň.
14 Ysraýylyň Hudaýy Rebbe
alkyş bolsun ezelden ebedä
çenli!
Omyn! Omyn!

## IKINJI KITAP
*(41 – 71-nji mezmurlar)*

### 41-nji mezmur

1 *Saz ýolbaşçysyna. Koranyň nesilleriniň maskili.*
2 Keýigiň akar suwlary küýseýşi
kimin,
eý, Hudaý, janym Seni
küýseýär!

3 Hudaýa, diri Hudaýa teşnedir
janym,
haçan görerkäm men Hudaýyň
ýüzün?
4 Diýenlerinde dyngysyz: «Hany
Hudaýyň?»
gözýaşlarym ýeke-täk azygym
boldy.
5 Men ýörärdim jemagat bilen,
baýram edýän halky
äkiderdim Hudaý öýüne;
olar şatlanyp, nagma aýdardy.
Şu zatlary ýatlan wagtymda
küýsemeden para-para bolýar
ýüregim.
6 Eý, janym, sen näme üçin
gamlanýaň?
Näme üçin sen içimde
ýňranýaň?
Umydyňy Hudaýa bagla,
men ýene Oňa – Halasgärime we
Hudaýyma öwgi aýdaryn.
7 Eý, Hudaýym, içimde janym
gamlanýar,
munuň üçin Iordan topragynda,
Hermon hem-de Mizar dagynda
Seni ýatlaýan.
8 Çuňluk çuňluga gygyrýar,
şaglawuklaryňyň owazy bilen.
Seniň ähli tolkunlaryň, silleriň
kimin
muşakgatlar meniň başymdan
geçdi.
9 Reb gündiz sadyk söýgüsini
görkezýär,
gijelerine men Oňa nagma
aýdýaryn –
ömrümiň Hudaýyna doga
edýärin,
10 Gaýam bolan Hudaýyma şeýle
diýýärin:
«Näme üçin meni unutdyň?
Duşman meni gysan wagtynda
näme üçin gam-gussaly
gezmeli?»
11 Duşmanlarym günde: «Hudaýyň
nirede?» diýýär,
kemsitme arkaly süňklerimi
kül-owram edýär.
12 Eý, janym, sen näme üçin
gamlanýaň?
Näme üçin sen içimde
ýňranýaň?
Umydyňy Hudaýa bagla,
men ýene Oňa –
Halasgärime we
Hudaýyma öwgi aýdaryn.

## 42-nji mezmur

1 Eý, Hudaý, Sen meni akla!
Hudaýsyz milletden alyp ber
meniň hakymy,
hilegär we adalatsyz adamdan
halas et meni.
2 Çünki pena tutunýan Hudaýym
Sensiň.
Sen näme üçin meni terk etdiň?
Duşman meni gysan wagtynda,
näme üçin gam-gussaly gezmeli?
3 Sen hakykatyňy, nuruňy iber,
goý, olar ýol görkezsin maňa;
goý, olar meni äkitsin,
mukaddes dagyňa we ýaşalgaňa.
4 Şonda Hudaýyň gurbanlyk
sypasyna,
keýpiköklügim bolan
Hudaýyma bararyn.
Eý, Hudaý, meniň Hudaýym,
men Saňa lirada [a] öwgi
nagmasyny aýdaryn.
5 Eý, janym, sen näme üçin
gamlanýaň?

[a] **42:4** ***Lira*** – kirişli saz guraly. Sözlüge seret.

Näme üçin sen içimde
yňranýaň?
Umydyňy Hudaýa bagla,
men ýene Oňa – Halasgärime we
Hudaýyma öwgi aýdaryn.

### 43-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Koranyň nesilleriniň maskili.*
2 Eý, Hudaý, gulagymyz bilen
eşitdik;
atalarymyzyň döwründe,
gadym eýýamda
olar bize Seniň edenleriň barada
gürrüň berdiler.
3 Milletleri kowup Öz eliň bilen,
Sen atalarymyza ýer berdiň.
Halklary wes-weýran edip,
Sen atalarymyzy ýaýratdyň.
4 Olar ýurdy eýelemediler gylyjy
bilen,
ýeňşi gazanmadylar gollary bilen –
Seniň eliň, goluň, ýüzüňiň nury
edendir muny;
çünki Sen juda söýdüň olary.
5 Sensiň meniň Patyşam hem-de
Hudaýym.
Ýakup üçin ýeňişleri Sen buýur.
6 Duşmanlarymyzy basgylarys
Seniň kuwwatyň bilen,
garşydaşlarymyzy depgiläris
Seniň adyň bilen.
7 Men öz ýaýyma bil baglamaýan,
meni halas etmeýär meniň
gylyjym.
8 Sensiň bizi halas eden
duşmanlarymyzdan,
Sensiň bizi ýigrenýänleri utanja
goýan.
9 Uzakly gün Hudaý bilen
magtanýarys
Seniň adyňa baky şükür ederis.
*Sela*
10 Ýöne indi bizi taşladyň, utanja
goýduň,
goşunlarymyz bilen bile
gitmeýärsiň Sen.
11 Bizi duşmandan gaçar ýaly etdiň
Sen,
bizi ýigrenýänler bizi talaýar.
12 Bizi goýun kimin iýmäge berdiň,
Sen milletler arasynda bizi
pytratdyň.
13 Sen Öz halkyňy haýyrsyz satdyň,
olaryň bahasyndan haýyr
görmediň.
14 Goňşy halklaryň öňünde biz
ýüzügara,
göz-gülban etdiň, töwerek-daşa
etdiň masgara.
15 Milletleriň diline düşürdiň bizi,
halklar ýaýkaýarlar bize başyny.
16-17 Myjabat ýöňkeýäniň, dil
ýetirýäniň sesinden ýaňa,
duşmandan we öç alýandan
ýaňa,
uzakly gün ryswalygym
garşymda,
meniň ýüzümi utanç büredi.
18 Başymyza indi bularyň bary,
ýöne unudan däldiris Seni,
hyýanat etmedik Seniň ähtiňe.
19-20 Biziň ýüregimiz Senden dänmedi,
ädimlerimiz Seniň ýoluňdan
çykmady.
Sen bolsa bizi şagallar
mekanynda
kül-peýekun etdiň,
ölüm kölegesi bilen Sen bizi
örtdüň.
21 Eger Hudaýymyzyň adyny
unudan bolsak,
bir ýat taňra ellerimizi uzadan
bolsak,
22 Hudaýa aýan bolmazmydy bu?
Ol bilýär-ä ýürekdäki syrlary!

[23] Biz her gün Seniň üçin
öldürilýäris,
biz damagy çalynjak goýun
saýylýarys.
[24] Oýan, ýa Taňry, näme üçin
uklaýaň?
Galk Sen, bizi baky taşlama.
[25] Näme üçin Sen ýüzüňi gizleýäň,
muşakgat bilen hasratymyzy
unudýaň?
[26] Biz gara ýere ýazylyp gitdik,
indi toprakdan galyp
bilemzok.
[27] Galk-da, bize kömek et,
sadyk söýgiň hatyrasyna bizi
halas et.

### 44-nji mezmur

[1] *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Liliýa» äheňinde aýdylýan. Koranyň nesilleriniň maskili. Söýgi nagmasy.*
[2] Ýagşy sözler joşýar meniň
kalbymdan,
düzen şygyrlarymy patyşa
aýdyp berýärin;
dilim çalasyn ýazyjynyň
galamy kimin.
[3] Ynsan ogullarynyň içinde iň
görmegeýi sen,
merhemet saçylýar seniň
diliňden;
şoňa görä Hudaý seni baky
ýalkady.
[4] Eý, edermen, dak gylyjy biliňe,
beslen şöhratyňa hem-de
şanyňa.
[5] Hakykat, pespällik, dogrulyk
üçin,
sen öz şanyňda ýeňişli atlan;
seniň goluň gudrat görkezsin.
[6] Oklaryň duşmanlaryňyň ýüregine
sanjylar;
seniň aýaklaryňyň astyna
halklar ýykylar.
[7] Eý, patyşa, Hudaýyň saňa beren
şalygy,
dowam eder baky, ebedi[a],
Seniň şalyk hasaň – adalatlylyk
hasasy.
[8] Sen dogrulygy söýüp,
ýigrenýärsiň pisligi.
Şonuň üçin Hudaý, seniň
Hudaýyň,
seni ýoldaşlaryň içinden
seçip-saýlady,
başyňa şatlyk ýagyny guýdy[b].
[9] Eginbaşyň mür, ahalot, dalçyn
yslydyr;
pil süňküne bezelen köşklerden
ýaňlanýan sazlar
seni şat edýär.
[10] Şa gyzlary bardyr hormatly
zenanlaryňyň içinde,
opyr tyllasyna beslenen şa gyzy
dur seniň sagyňda.
[11] Eý, şa gyzy, diňle, oýlan hem-de
gulak goý,
sen öz halkyňy, ataň öýüni unut.
[12] Şa arzuwlar seniň gözelligiňi,
ol seniň hojaýynyň, oňa tagzym et.
[13] Sur şasynyň gyzy saňa sowgat
getirer,
halkyň barly adamlary göwnüňi
awlar.
[14] Şa gyzy ne gözel öz köşgünde!
Onuň lybaslary altyn-zerden
dokalan.

---

[a] **44:7** ***Eý, patyşa, Hudaýyň saňa beren şalygy*** ýa-da *Eý, Hudaý, Seniň tagtyň.*
[b] **44:8** ***Ýag guýdy*** – kimdir biriniň başyna ýag guýup, patyşalyga ýa-da ruhanylyga belleme dessury. Sözlüge seret.

15 Ol al-elwan lybasda şa ýanyna
eltiler,
onuň kenizleri, ulugyzlar şa
gaşyna eltiler.
16 Şatlyk-şagalaň bilen getirilýärler,
patyşanyň köşgüne olar girýärler.
17 Ogullaryň geçer seniň atalaryňyň
ornuna,
olary hökümdar bellärsiň tutuş
ýeriň ýüzüne.
18 Men nesilden-nesle yglan etjek
adyňy,
şoňa görä, elmydama we baky
halklar seni şükürlere beslärler.

### 45-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna, soprana derejesinde. Koranyň nesilleriniň nagmasy.*
2 Hudaý biziň penamyz hem-de
güýjümiz,
Ol muşakgat wagty dadymyza
ýetişýär.
3 Şonuň üçin gorkmarys ýer
yransa-da,
daglar deňziň bagryna
yňdarylsa-da,
4 olaryň suwlary güwläp, joşsa-da,
zarbyndan ýaňa daglar sarssa-
da. *Sela*
5 Bir derýa bar, onuň akymlary şat
edýär
Hudaýyň şäherini –
Beýik Hudaýyň mukaddes
mesgenini.
6 Hudaý bu şäheriň ortarasynda, ol
sarsdyrylmaz,
Hudaý oňa kömek eder säher
çagyndan.
7 Milletler arlaýar, şalyklar-da
yranýar,
Ol gygyrýar – şonda dünýä
ereýär.
8 Hökmürowan Reb biziň bilendir,
Ýakubyň Hudaýy
berkitmämizdir.
9 Geliň, görüň Rebbiň edenlerini,
ýer ýüzüne getiren
weýranlygyny.
10 Ol ýeriň ujuna çenli uruşlary
togtadýar,
ýaýlary kül-owram edýär,
naýzalary ikä bölüp taşlaýar,
galkanlary ot-ýalynda
ýandyrýar.
11 Reb şeýle diýýär:
«Saklanyň, biliň: Hudaý
Mendirin!
Milletler arasynda beýgeldilerin
tutuş ýer ýüzünde beýgeldilerin».
12 Hökmürowan Reb biziň bilendir,
Ýakubyň Hudaýy
berkitmämizdir. *Sela*

### 46-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Koranyň nesilleriniň mezmury.*
2 Eý, ähli halklar, el çarpyşyň!
Hudaýa heşelle kakyň!
3 Beýik Hudaý–Rebden
gorkmalydyr,
çünki Ol bütin ýer ýüzüniň
Beýik Şasydyr.
4 Ol halklary biziň golastymyza
berdi,
milletleri aýak astymyza çökerdi.
5 Reb saýlap-seçip, bize ýurt berdi,
biz – Onuň söýýän halky. *Sela*
6 Hudaý halkyň şadyýan sesleri
bilen,
Reb surnaýlaryň sesleri bilen
ýokary çykýar.
7 Nagma aýdyň, nagma aýdyň
Hudaýa,
nagma aýdyň, nagma aýdyň
Şamyza!

8 Çünki Hudaý tutuş ýeriň Şasydyr,
Oňa mezmur bilen nagmalar aýdyň.
9 Milletlere hökümini ýöredýär Hudaý,
Öz mukaddes tagtynda oturýar Hudaý.
10 Ybraýym Hudaýynyň halkyna goşulmak üçin,
halklaryň asylzadalary ýygnanyşdylar;
çünki tutuş ýeriň şalary Hudaýyňkydyr;
Ol belende galdyrylandyr.

## 47-nji mezmur

1 *Koranyň nesilleriniň nagmasy. Mezmur.*
2 Reb beýikdir,
Hudaýymyzyň şäherinde,
Onuň mukaddes dagynda
Ol aşa şöhratlandyrylmaga mynasypdyr.
3 Belent, gözel Sion[a] dagy
tutuş ýer ýüzüniň şatlygydyr;
Sion dagy Beýik Şanyň şäheri,
ol Sapon dagynyň çür başy ýalydyr.
4 Hudaý onuň galasynda
Özüni berkitme hökmünde tanadýar.

5 Ine, patyşalar agyz birikdirdiler,
bilelikde ol ýerlerden geçdiler.
6 Olar ony görenlerinde haýran galdylar,
dowla düşüp, gaçyp gitdiler.
7 Şol ýerde sandyrama tutdy olary,
dogurýan aýalyň burgusy ýaly.
8 Gündogar ýeliň Tarşyş gämilerini
çym-pytrak edişi ýaly,
Sen derbi-dagyn etdiň olary.

9 Biz şäheriň şöhratyny eşitdik,
indi bolsa ony:
Hökmürowan Rebbiň şäherini –
Hudaýymyzyň şäherini
özümiz gördük.
Ol ony ebedi berkarar eder. *Sela*

10 Eý, Hudaý, ybadathanaňda
oýlanýarys sadyk söýgiň barada.
11 Eý, Hudaý, Seniň adyň deý,
alkyşyň-da ýeriň dört künjüne ýetýär.
Seniň eliň adalatdan doludyr.
12 Goý, Sion dagy begensin.
Seniň adalatly hökümleriň hatyrasyna,
Ýahudanyň gyzlary, goý, şat bolsun.
13 Sionyň daşynda gezip, ony aýlanyň,
onuň diňlerini siz sanap çykyň.
14 Onuň içki berkitmelerine üns beriň,
geljek nesle aýtmak üçin,
onuň köşklerine aýlanyp çykyň.
15 Çünki bu Hudaý şunuň ýalydyr,
Ol ebedi we baky Hudaýymyzdyr;
ömürboýy bize ýol görkezjek Oldur.

## 48-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Koranyň nesilleriniň mezmury.*
2 Eý, ähli halklar,
eý, dünýäde ýaşaýanlar,
ähliňiz muny eşidiň.
3 Sada halk we begzadalar,

[a] **47:3** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

baý we pukara – baryňyz diňläň.
4 Meniň agzym danalygy sözlesin,
ýürek pikirlerim düşünje bersin.
5 Men bir tymsala gulak gereýin,
mukam bilen matalymy çözüp
bereýin.

6 Muşakgatlyk wagtynda,
duşmanlar nähak ýere maňa
hüjüm edende,
men näme üçin gorka düşeýin?
7 Baýlygyna bil baglaýan ynsanlar,
mal-mülküniň köplügine
magtanýar.
8-10 Ynsan doganynyň ebedi ýaşary
ýaly,
hem-de gabry görmezi ýaly,
pul töläp, ony azatlyga çykaryp
bilmez;
onuň üçin Hudaýa töleg tölemez.
Dogrudan-da, jan azatlygyny
gazanma gymmat,
muny hiç kim başaryp bilmez.

11 Sebäbi ol akyldaryň-da ölýänin
görýär;
akmaklar-da, samsyklar-da ýok
bolup gidýär,
mal-mülklerini başgalara
galdyrýar.
12 Mazarlary baky öýleri bolar[a],
mesgenleri geçer nesilden-nesle,
atlaryny dakýarlar öz mülklerine.
13 Ýöne ynsan hormatda galmaz,
ol ýok bolup gidýän haýwanlar
ýalydyr.
14 Olaryň ýoly şular ýalydyr,
akmaklyk-da olaryňkydyr.
Emma muňa garamazdan, indiki
nesil
olaryň magtanmasyny
makullaýandyr. *Sela*
15 Olar ölüler dünýäsine goýun dek
sürler,
ölüm olaryň çopany bolar;
säher çagy dogry adamlar
olaryň üstünden agalyk sürer;
ýaşaýan ýerlerinden uzakda –
ölüler dünýäsinde bedeni çüýrär.
16 Emma Hudaý meni kabul eder;
Ol ölüler dünýäsiniň
ygtyýaryndan,
meniň janymy boşadar. *Sela*
17 Bir adam baýap, öýüniň şöhraty
artsa,
muny görüp, umytdan düşme.
18 Çünki ölende ýany bilen hiç zat
äkitmez,
şöhraty onuň yzyna düşmez.
19 Ýaşaýşynda özüni bagtly
saýsa-da,
(öwýändirler seni
rowaçlananyňda)
20 onuň jany ata-babasynyň ýanyna
gider;
olar gaýdyp görmezler nury.
21 Hormatlansa-da, muny göternip
bilmeýän ynsan,
ýok bolup gidýän haýwanlar
deýdir.

## 49-njy mezmur

1 *Asafyň mezmury. Nagma.*
Hudaý, Beýik Hudaý gürleýär,
gündogardan günbatara çenli
ýer ýüzüni çagyrýar.
2 Gözelligiň naýbaşy bolan Siondan
Hudaý parlaýar.
3 Hudaýymyz gelýär, ümsüm däldir
Ol:

[a] **48:12** ***Mazarlary*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Olar öýleri bakydyr öýdýärler* diýip duş gelýär.

Onuň öňünde ot bar ähli zady
ýalmaýan,
töwereginde – güýçli gaý-tupan.
4 Ol halkyna kazylyk etmeklik üçin
Ýeri, Gögi şaýatlyga çagyrýar:
5 «Ýygnaň ýanyma sadyklarymy –
gurbanlyk arkaly äht
baglaşanlarymy».
6 Gök yglan edýär Onuň
dogrulygyny,
çünki kazylyk edýän –
Hudaýyň Özi. *Sela*
7 «Men gepläýin, sen hem diňle, eý,
halkym;
Mendirin Hudaýyň, seniň
Hudaýyň,
eý, Ysraýyl, saňa garşy şaýatlyk
Men edeýin.
8 Gurbanlyklaryň üçin Men seni
ýazgarjak däl,
ýakma gurbanlyklaryň
dyngysyz Meniň öňümde.
9 Maňa ne öküz gerek seniň
öýüňden,
ne-de erkeç – seniň
agyllaryňdan.
10 Çünki jeňňel jandarlarynyň
ählisi –
müňlerçe daglaryň haýwanlary
Meniňki.
11 Men bilýärin dagyň ähli
guşlaryny,
meýdan jandarlarynyň bary
Meniňki.
12 Eger ajyksam-da, saňa aýtmaryn,
çünki dünýä hem ondaky ähli
zatlar Meniňki.
13 Öküzleriň etini iýýärinmi Men?
Erkeçleriň ganyny içýärinmi
Men?
14 Sen şüküri gurbanlyk ber Hudaýa,
Beýik Hudaýa beren
kasamlaryňy berjaý et.
15 Meni çagyr muşakgat günde,
seni halas ederin,
Maňa şöhrat aýdarsyň şonda».
16 Emma Hudaý erbet adama şeýle
diýýär:
«Parzlarymy agzamaga,
ähtimi diliňe almaga näme
hakyň bar?
17 Çünki Meniň terbiýämi
ýigrenýärsiň sen,
sözlerimi ýele sowurýarsyň sen.
18 Bir ogryny göreňde, oňa goşulýaň,
zynahorlara şärikdeş bolýaň.
19 Ýamanlyga berdiň sen öz agzyňy,
seniň diliň düzýär hile-pirimi.
20 Sen oturyp, doganyňa garşy
gepleýäň,
öz ejeňiň ogluna myjabaty
ýöňkeýäň.
21 Sen bulary etdiň, Men
gürlemedim,
sen Maňa hem özüň ýalydyr
öýtdüň.
Emma Men saňa käýärin,
göz alnyňda etmişleriňi goýaryn.
22 Eý, Hudaýy unudanlar, bu barada
oýlanyň,
ýogsa Men sizi parça-parça
ederin,
sizi halas eden tapylmaz.
23 Şükür sadakasyny berýän Meni
sylaýar;
Men öz ýoluny dogry tutany
halas ederin».

### 50-nji mezmur

1-2 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawut Batşeba bilen günä edenden soň, Natan pygamber onuň ýanyna gelýär. Şonda Dawudyň aýdan mezmury.*
3 Eý, Hudaý, maňa rehim-şepagat
eýle,

Öz sadyk söýgiňiň hatyrasyna;
Öz merhemetiňiň köplügine görä,
Sen öçür meniň etmişlerimi.
4 Sen meni bütinleý ýuw
ýazygymdan
hem-de tämizle meni günämden.
5 Çünki günälerimi boýun alýaryn,
günäm elmydama meniň
öňümde.
6 Saňa, diňe Saňa garşy men günä
etdim,
Seniň nazaryňda ýamanlyk
etdim;
şoňa görä, Seniň sözleriň dogry,
çykaran hökümiňde Sen adalatly.
7 Hakyky, men günäli dünýä inelim
bäri,
günäli men enem göwresinde
galalym bäri.
8 Ine, Sen hakykat isleýärsiň
ýürekde,
danalygy öwredýärsiň meniň
içimde.
9 Meni käkilik oty bilen arassala,
bolaryn men päk,
meni ýuw, bolaryn men gardan
hem ap-ak.
10 Maňa eşitdir şatlykdyr begenç
sesini,
meni peseltdiň, indi bolsa, men
şatlanaýyn.
11 Meniň günälerimden sow Sen
ýüzüňi
hem-de öçür meniň
ýazyklarymy.
12 Eý, Hudaý, mende päk ýürek ýarat
we içimdäki hakykat ruhuny
özgert.
13 Sen Öz huzuryňdan meni taşlama,
menden Mukaddes Ruhuňy alma.
14 Öz halas edişiňiň şatlygyny Sen
maňa gaýtar,
yhlasly ruh berip, maňa söýget bol.
15 Şonda Seniň ýollaryňy
bitabynlara öwrederin men,
günäkärler hem Saňa öwrüler.
16 Eý, Hudaý, meni halas eýleýän
Hudaý!
Döken ganymyň günäsinden
Sen meni gutar,
dilim Saňa – Halasgärime
nagmalar aýdar.
17 Ýa Taňry, aç Sen meniň agzymy,
meniň dilim Saňa alkyşlar
aýtsyn.
18 Sen gurbanlyk isläňok, ýogsa
bererdim,
ýakma gurbanlyklary bersem-
de, razy bolmarsyň.
19 Synyk ruh – Hudaýyň
göwnünden turýan
gurbanlyk;
eý, Hudaý, synyk, ökünçli ruhy
Sen kemsitmersiň.
20 Siona Öz keremiň bilen Sen
ýagşylyk et,
we Iýerusalimiň diwarlaryny
Sen dikelt.
21 Şonda dogrulyk gurbanlyklary,
ýakma gurbanlyklary,
tutuş ýakma gurbanlyklary-da
Seniň göwnüňden turar.
Şonda Seniň gurbanlyk
sypalaryňda
öküzler sadaka berler.

## 51-nji mezmur

1-2 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Edomly Döweg Şawula gelip, Dawut Ahymelegiň öýüne baryp ýetendigini habar berende, Dawudyň aýdan maskili.*
3 Näme üçin ýamanlyk bilen
öwünýäň, eý, edermen?
Hudaýyň sadyk söýgüsi hemişe
meniň bilen!

4 Seniň diliň düzýär
weýrançylyklary,
ol ýiti päki kimin işläp düzýär
hiläni.
5 Sen ýagşylykdan ýamanlygy
halaýaň,
hakykaty sözläniňden – ýalan
aýtmagy.
6 Eý, hileli dil,
sen halaýaň ähli heläkleýji
sözleri!
7 Emma Hudaý seni baky heläklär,
seni tutup, çadyryňdan çekip
çykarar,
ýaşaýyş topragyndan köküňi
sograr. *Sela*
8 Dogry adamlar muny görüp,
gorkarlar,
oňa gülüp, şeýle diýerler:
9 «Ine, bu adam Hudaýy özüne
pena etmedi,
öz baýlygynyň köplügine
baglady bili;
ol öz baýlygyndan[a] pena
gözledi».
10 Men bolsa Hudaýyň öýündäki
gök öwüsýän zeýtun agajy ýaly;
Hudaýyň sadyk söýgüsine
ebedi we baky baglaýan bili.
11 Edenleriň üçin Saňa baky şükür
ederin;
Saňa sadyk bolanlaryň
jemagatynda
Seniň ýagşy adyňa umyt baglaryn.

## 52-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Üflenip çalynýan saz guralynda. Maskil. Dawudyň mezmury.*
2 Akmaklar ýüreginde: «Hudaý
ýok» diýýärler.
Olar azýarlar we ýigrenji işleri
edýärler;
ýagşylyk edýän ýok.
3 Paýhasly we Hudaýy agtarýan
barmyka diýip,
Hudaý göklerden adamzada
nazar aýlaýar.
4 Olaryň hemmesi ýoldan çykdylar,
bary deň derejede haram
boldular;
ýagşylyk edýän ýok, ýok ýeke
biri-de.
5 Eýsem düşünmeýärmi ähli
betkärler?
Olar halkymy çörek ýaly iýýärler
hem-de Hudaýy çagyrmaýarlar.
6 Olar gorky ýok ýerde gorka
düşerler,
çünki Hudaý seni gabanlaryň
süňklerini dagadar.
Sen olary galdyrarsyň uýada,
çünki olary Hudaý ret etdi.
7 Wah, gelsedi Siondan Ysraýyl
ýeňşi!
Hudaý halka öňki abadançylygyny
gaýtaryp berende,
Ýakup begener, Ysraýyl hem
şatlanar.

## 53-nji mezmur

1-2 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz guralynda. Maskil. Zipliler gelip, Şawula: «Dawut biziň aramyzda gizlenýär» diýenlerinde, Dawudyň aýdan mezmury.*
3 Eý, Hudaý, meni halas et Öz adyň
bilen,
meni akla Sen gudratyň bilen.
4 Eý, Hudaý, meniň dogamy eşit,
Sen agzymyň sözlerine gulak goý.
5 Çünki gelmişekler garşyma galdy,

[a] **51:9** ***Baýlygyndan*** – käbir golýazmalarda *jenaýatyndan*.

sütemkärler janymyň kastyna
çykdy;
olar Hudaýy äsgermeýärler. *Sela*
6 Meniň üçin bolsa Hudaý kömekdir!
Taňry söýgetleýär meniň
janymy.
7 Ol duşmanlarymyň eden
ýamanlygyny
olaryň öz başlaryna inderer.
Öz wepalylygyň hatyrasyna ýok
et olary.
8 Saňa höwes bilen gurbanlyk
keseýin,
ýa Reb, Seniň ýagşy adyňa
şükür edeýin.
9 Çünki Ol meni ähli muşakgatdan
halas eýledi,
gözüm duşmanlaryma ýeňiş
bilen garady.

### 54-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz guralynda. Dawudyň maskili.*
2 Eý, Hudaý, gulak goý meniň
dogama,
ret etme ýalbaryşymy.
3-4 Meni ünsli diňle hem-de jogap ber,
pikirlerim meni birahat edýär;
duşmanyň sesinden ýaňa,
erbet adamyň zulumyndan ýaňa,
meniň başym çaşdy.
Çünki olar maňa sütem edýärler,
gaharlarynyň ajysyny pürkýärler.
5 Ýüregim ezýet çekýär içimde,
ölüm howpy abandy meniň
üstüme.
6 Gorky bilen galpyldy üstüme indi,
meni aýylganç gorky gaplady.
7 Diýdim: «Wah, kepderi kimin
ganatlarym bolsady!
uçup gidip, asudalykda
bolardym.
8 Hakyky, uzaklara –
çöl-beýewana tarap gaçardym.
*Sela*
9 Güýçli ýelden, gaý-harasatdan
gaçalgama tarap men
howlugardym».
10 Bulaşdyr, ýa Taňry, alart
agyzlaryny,
çünki gördüm şäherde zorluk,
jenjeli.
11 Gije-gündiz diwarlarynyň
üstünde aýlanýar olar,
onuň içinde horluk, ezýet bar.
12 Onuň ortasynda weýrançylyk bar,
zulum, hile köçelerinden hiç
aýrylmaýar.
13 Çünki meni ýaňsylaýan duşman
bolsady –
muňa çydardym,
meni ýigrenýän özüni menden
ýokary tutsady –
ondan gizlenerdim.
14 Emma muny edýän sen,
ýagny özüm bilen des-deň
tutanym:
meniň dostum hem-de
ýaranym.
15 Seniň bilen ýürekden söhbet
ederdik,
jemagat bilen Hudaý öýüne bile
giderdik.
16 Goý, ölüm olaryň başyna insin,
olar ölüler dünýäsine, goý, diri
barsyn,
çünki ýamanlyk bar öýlerinde,
aralarynda.
17 Men bolsa çagyraryn Hudaýy,
halas eder Reb meni.
18 Agşam, ertir, günorta çagy
men ýalbaryp, nala çekýärin,
Ol eşidýär meniň sesimi.
19 Maňa garşy bolan uruşda
Ol halas eder meniň janymy,

çünki köpler çykdy meniň
garşyma.
20 Owaldan tagtynda oturan Hudaý
eşider
hem-de olara gaýtawul berer.
Çünki olarda özgerişlik ýok,
Hudaýdan olar gorkanok.
21 Ýoldaşym dostuna elin galdyrdy
hem-de eden ähtini bozdy.
22 Onuň gepi baldan süýjüdi,
kalbynda bolsa uruş-jeň bardy.
Onuň sözleri ýagdan ýumşakdy,
aslynda welin syrylan gylyçdy
olar.
23 Sen ýüküňi Rebbiň üstüne ýükle,
Ol seni söýgetlär.
Ol dogry ynsanyň yranmagyna
hiç haçan ygtyýar etmez.
24 Emma Sen, eý, Hudaý,
ölüm çukuryna inderersiň olary;
ganhorlar we hilegärler
ömürleriniň ýaryny hem
ýaşamaz;
men bolsa Saňa bil baglaryn.

### 55-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Uzakdaky dub agajynyň üstünde oturan kepderi» mukamynyň äheňinde çalynýan. Gat şäherinde piliştliler Dawudy tutanlarynda, onuň aýdan miktamy.*
2 Eý, Hudaý, maňa merhemet eýle,
çünki adamlar meni
depgileýärler;
duşmanlar uzakly gün maňa
sütem edýärler.
3 Duşmanlarym uzakly gün meni
depgileýärler,
çünki meniň bilen uruşýanlar
köp, eý, Beýik Hudaý!
4 Men gorka düşenimde Saňa bil
baglaýandyryn.
5 Hudaýy Onuň wadasy üçin
şöhratlandyrýaryn,
Oňa bil baglap, gorkmaýaryn
men;
ynsan maňa näme edip bilsin?
6 Olar uzakly gün ýoýýar meniň
sözlermi,
maňa zyýan etmäge
gönükdirilen bar niýetleri.
7 Olar dil düwüşýär hem-de
gizlenýär,
janymy almak üçin meni
aňtaýar.
8 Eýsem olar günä etse-de, gaçyp
gutularmyka?
Eý, Hudaý, gazabyňda boýun
egdir halklary!
9 Sergezdan gezen günlerim Sende
sanalgy,
meniň gözýaşlarym Sende
ýazylgy;
olar Seniň kitabyňda ýazylgy
dälmi?
10 Seni çagyranymda duşmanlarym
yzyna dönýär;
bilýärin: Hudaý tarapdarymdyr.
11 Hudaýa – wadasy üçin
şöhratlandyrýaryn,
Rebbe – wadasy üçin
şöhratlandyrýaryn,
12 Hudaýa bil baglaýan,
gorkmaýaryn men;
ynsan maňa näme edip bilsin?
13 Eý, Hudaý, Saňa beren
kasamlarymy berjaý ederin,
Saňa şükür gurbanlyklaryny
hödür ederin.
14 Çünki Sen janymy ölümden halas
eýlediň;
ýaşaýyş nurunda Hudaý öňünde
gezerim ýaly,
Sen aýaklarymy büdremekden
sakladyň.

## 56-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Heläk etme» äheňinde aýdylýan. Dawudyň Şawuldan gowaga gaçanda aýdan mezmury.*
2 Maňa merhemet et, eý, Hudaý,
maňa merhemet et,
çünki meniň janym Saňa sygynýar.
Men bela-beter geçip gidýänçä,
Seniň ganatlaryňyň saýasynda
gizlenjek.
3 Men çagyraryn Beýik Hudaýy –
men babatda niýetini berjaý
edýän Hudaýy.
4 Ol gökden kömek iberip, meni
halas eder,
maňa sütem edýäni utanja goýar.
Hudaý söýgüsini,
wepadarlygyny iberer.
5 Men arslanlaryň arasynda,
wagşy haýwanlar ýaly
adamlaryň arasynda ýatyryn;
olaryň dişleri naýza, ok ýaly,
kesgir gylyç ýaly olaryň dili.
6 Eý, Hudaý, göklerden-de ýokary
beýgel!
Tutuş ýer ýüzüne dolsun Seniň
şöhratyň!
7 Olar ädimlerime duzak gurdular –
gaýgydan ýaňa bilim büküldi.
Olar öňümde çukur gazdylar –
ýöne özleri oňa düşdüler.
8 Ýüregim sarsmaz, eý, Hudaý,
sarsmaz ýüregim:
men nagmalar aýdyp, mukam
çalaryn.
9 Oýan sen, eý, meniň ýüregim.
Oýanyň, arfa hem lira!
Men daňy oýararyn nagmalar
bilen.
10 Ýa Taňry, halklar arasynda Saňa
şükür ederin.
Milletler arasynda Saňa nagma
aýdaryn.
11 Çünki Seniň söýgiň göklere ýetýär,
wepalylygyň bulutlara direýär.
12 Eý, Hudaý, göklerden-de ýokary
beýgel!
Tutuş ýer ýüzüne dolsun Seniň
şöhratyň!

## 57-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Heläk etme» äheňinde aýdylýan. Dawudyň miktamy.*
2 Eý, hökümdarlar, dogrudan-da,
adalatly kazylyk edýäňizmi?
Siz ynsan ogullaryna
ýüz görmezden höküm
çykarýaňyzmy?
3 Ýok! Siz kalbyňyzda adalatsyzlyk
düzýäňiz,
elleriňiz zorluk saçýar ýeriň
ýüzüne.
4 Erbetler ene ýatgysyndan bäri
dogry ýoldan azaşandyrlar,
dünýä inenleri bäri ýalan sözläp,
ýalňyşýandyrlar.
5-6 Olar alahöwren ýaly zäherlidirler.
Olar ökde jadygöýüň ýa-da
owsunçynyň jadylaýjy sesini
eşitmeýän
ker kepjebaş ýaly gulaklaryny
dykýarlar.
7 Eý, Hudaý, agyzlarynda kül et
olaň dişini,
ýa Reb, owrat ýolbarslaryň
gyýyk dişini.
8 Olar akyp gidýän suw dek, goý,
ýitip gitsin,
oklaryny çenänlerinde ujy kütelsin.
9 Goý, eräp giden balykgulak deý
bolsun,
aýalyň düşen çagasy deý güneş
görmesin.

10 Olar böwürslen deý tiken
çykarmankalar,
gök bolsun, gury bolsun, goý,
tüweleý äkitsin.
11 Öç alnanyny görende dogry
ynsan şat bolar,
erbediň ganynda aýaklaryny
ýuwar.
12 Ynsan diýer: «Dogrudan-da,
dogry ynsana sylag bar eken!
Dogrudan-da, dünýä kazylyk
edýän Hudaý bar eken!»

## 58-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Şawul Dawudy öldürmek üçin adamlary iberip, onuň öýüni garawulladanda, Dawudyň aýdan miktamy. «Heläk etme!» äheňinde aýdylýan.*
2 Eý, Hudaýym, halas et meni
ýagylarymdan,
gora meniň garşyma baş
galdyrýanlardan.
3 Ýamanlyk edýänlerden Sen meni
gutar,
ganhorlardan meni halas et.
4 Ine, olar meni öldürmek üçin
bukuda ýatýar,
güýçlüler maňa garşy dil
birikdirýär,
ýogsa ýazygym-da, günäm-de
ýok, ýa Reb!
5 Etmişim bolmasa-da, maňa
hüjüm etmäge olar howlugýar,
maňa kömek etmek üçin oýan
we seret!
6 Eý, Hökmürowan Beýik Hudaý,
Sen Ysraýylyň Hudaýy!
Galk Sen ähli milletlere jeza
bermeklik üçin,
haýyn betpälleriň hiç birine Sen
rehim etme. *Sela*
7 Olar her gün agşam yzlaryna
dolanýar,
itler dek uwlaşyp, şäherde
sümsünip ýörýär.
8 Ine, olar agyzlaryndan erbetlik
saçýar,
dilleri ajylyk pürkýär.
Olar: «Kim eşider?» diýip
oýlaýar.
9 Emma Sen, ýa Reb, olaryň
üstünden gülýäň,
ähli milletleri masgaralaýaň.
10 Eý, Güýjüm, men Saňa
intizardyryn,
eý, Hudaý, Sen – meniň
berkitmäm.
11 Hudaýym sadyk söýgüsi bilen
meni garşylar,
maňa duşmanlarymyň ýeňlişini
görkezer.
12 Eý, galkanymyz Taňry!
Olary öldürme, ýogsa halkym
unudar,
olary Öz gudratyň bilen
dargat-da, dyzyna çöker.
13 Olar agyzlarynyň günäsi üçin,
dilleriniň sözleri üçin,
aýdýan gargyşlary, ýalan sözleri
üçin,
tekepbirliklerine, goý, özleri
çolaşsyn.
14 Sen gazabyňda ýok et olary,
tä tükenýänçäler ýok et olary.
Goý, mälim bolsun:
Hudaý Ysraýylyň we tutuş ýer
ýüzüniň Hojaýynydyr. *Sela*
15 Olar her gün agşam yzlaryna
dolanýar,
itler dek uwlaşyp, şäherde
sümsünip ýörýär.
16 Olar iýmit gözläp eýläk-beýläk
urunýar,
garynlary doýmasa, hyňranyşýar.

17 Men bolsa Seniň gudratyň hakda
nagma aýdaryn,
ir säherde sadyk söýgiň hakda
nagma aýdaryn.
Çünki Sen maňa berkitme bolduň,
muşakgatly günde Sen penam
bolduň.
18 Eý, Güýjüm, men Saňa nagma
aýdaryn,
çünki, eý, Hudaý, meniň
berkitmäm – Sensiň.
Sen meni wepalylyk bilen
söýýän Hudaýsyň.

## 59-njy mezmur

1-2 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Äht liliýasy» äheňinde aýdylýan. Aram-Naharaýym, Aram-Soba bilen urşanda we Ýowap yzyna dolanyp gelýärkä, Duz deresinde on iki müň edomlyny öldüren wagty, Dawudyň öwüt bermek üçin aýdan miktamy.*

3 Eý, Hudaý, bizi ret etdiň, biziň
hatarymyzy böwüsdiň,
gazaplandyň: wah, gaýdyp
bersene öňki abadanlygy!
4 Sen ýeri sarsdyrdyň, ony
jaýyrdyň,
ýaryklaryny bejer, titreýändir ol.
5 Agyr güne saldyň Sen Öz halkyňy,
bize entediji şerap içirdiň.
6 Oklardan gutulyp bileri ýaly,
Özüňden gorkýanlara Sen
nyşan berdiň. *Sela*
7 Öz söýýänleriňiň gutulyp bileri
ýaly,
goluň bilen halas et, bize jogap
ber.
8 Wada berdi Hudaý Öz mukaddes
öýünden:
«Uly şatlyk bilen Men Şekemi
bölerin
hem-de Sukot deresini ölçärin.
9 Gilgat Meniňki, Manaşa Meniňki,
Efraýym – tuwulgam,
Ýahuda – patyşalyk hasam.
10 Mowap – ýuwunmak üçin
legenim,
Edomyň üstüne zyňaryn Men
çarygymy.
Pilişt topragynda ýeňiş dabarasy
bilen gygyraryn Men».
11 Berk gala kim meni elter?
Meni Edoma kim alyp gider?
12 Eý, Hudaý, eýsem Sen bizi ret
edäýdiňmi?
Eý, Hudaý, indi goşunlarymyz
bilen gitjek dälmi Sen?
13 Duşmanlarymyza garşy bize
kömek et,
sebäbi ynsan kömegi biderek
zatdyr.
14 Hudaý arkaly ýeňiş gazanarys,
duşmanlarymyzy depelejek
Oldur.

## 60-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz guralynda. Dawudyň mezmury.*

2 Eý, Hudaý, eşit dat-perýadymy
hem-de diňle meniň dogamy.
3 Meniň kalbym gam laýyna batanda,
Seni çagyrýaryn ýeriň ujundan;
çykyp bilmejek gaýama Sen
meni çykar.
4 Çünki Sen meniň penamsyň,
duşmana garşy mäkäm
galamsyň.
5 Men çadyryňda baky mesgen
tutaýyn,
ganatlaryňyň astynda pena
tapaýyn. *Sela*
6 Sen, eý, Hudaý, eden
kasamlarymy eşitdiň,

Öz adyňdan gorkýanlar üçin
niýetlenen mirasy
Sen maňa berdiň.
7 Şa ömrüniň günlerine günler goş,
günlerini uzalt nesilden-nesle!
8 Goý, ol Hudaýyň huzurynda
tagtda baky otursyn,
söýgi bilen wepadarlyk ber,
goý, olar ony gorasyn!
9 Kasamlarymy günde berjaý
ederin,
Seniň adyňa elmydama nagma
aýdaryn.

## 61-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Ýedutunyň mukamyna laýyklykda.*
*Dawudyň mezmury.*
2 Diňe Hudaýda ynjalýar janym,
Hudaýdandyr meniň gutulyşym.
3 Ol – ýeke-täk gaýam hem
gutulyşym,
meniň berkitmäm: ýykylmaryn
men.
4 Ýalňyz bir ynsana garşy çykýar
köpsanly duşman:
olaryň bary meni öldürmegi
niýet edinýär,
men olar üçin gyşaran diwar,
çagşan haýat dek.
5 Olaryň bar niýeti meni
beýiklikden pese düşürmek;
olar ýalan sözlemekden lezzet
alýarlar,
agyzlary bilen ak pata berýärler,
ýüreklerinde bolsa näletleýärler.
*Sela*
6 Diňe Hudaýda ynjalýar janym,
Hudaýdadyr meniň umydym.
7 Ol – ýeke-täk gaýam hem
gutulyşym,
meniň berkitmäm: yranmaryn
men.
8 Hudaýdadyr gutulyşym hem-de
şöhratym,
Hudaýdadyr mäkäm gaýam we
meniň penam.
9 Eý, halk, elmydama Oňa bil
baglaň;
ýüregiňizi Onuň öňünde döküň,
çünki Hudaýdyr biziň penamyz.
*Sela*
10 Ynsanlar biderek zatdyr,
ynsan ogullary bir ýalan zatdyr.
Olaryň hemmesini terezä goýsaň,
howadan hem ýeňil bolar olaň
agramy.
11 Talaňçylyga siz bil baglamaň,
ogurlyga umyt baglamaň,
baýlyk artsa, oňa kalbyňyz
bermäň.
12 Hudaý maňa aýtdy,
men gaýta-gaýta eşitdim muny:
gudrat Hudaýdadyr.
13 Ýa Taňry, sadyk söýgi Seniňkidir,
Sen her kese edenine görä
öwezini gaýtarýarsyň.

## 62-nji mezmur

1 *Dawudyň Ýahuda çölündekä aýdan*
*mezmury.*
2 Eý, Hudaý! Sensiň Hudaýym,
Seni agtarýaryn ir säher bilen,
meniň janym teşnedir Saňa.
Gurak, içgysgynç, suwsuz
toprakda kimin
Seni küýseýär meniň bedenim.
3 Seniň kuwwatyňy, şöhratyňy
görmeklik üçin,
mukaddes öýüňde Saňa
seretdim.
4 Çünki Seniň sadyk söýgiň
ýaşaýyşdan ýagşydyr,
meniň dilim Saňa öwgüler
aýdar.
5 Ömürboýy Saňa alkyş okaryn,

ellerimi galdyryp, Saňa doga
ederin.
6-7 Düşegimde Seni ýatlan wagtymda,
gijäniň nobatlarynda Sen hakda
oýlananymda,
janym ýilik bilen ýagdan doýan
dek bolýar,
şadyýan dilim bilen agzym
Saňa öwgüler aýdar.
8 Çünki Sen meniň kömegim
bolduň;
ganatlaryňyň saýasynda
şatlanyp,
nagma aýdaryn.
9 Meniň janym Saňa mäkäm
ýapyşýar,
Seniň goluň meni goldaýar.
10 Janymyň kastyna çykanlar bolsa,
ýeriň teýine inip giderler.
11 Olar gylyjyň zarbyna berler,
hem-de şagallara şam bolar.
12 Şa bolsa Hudaýyň edenlerine şat
bolar;
Oňa wada berýänleriň bary
heşelle kakar,
çünki ýalançylaryň agzy
baglanar.

### 63-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
2 Eý, Hudaý, arz edenimde sesimi
eşit,
duşman wehiminden janymy
gora.
3 Meni gizle erbetleriň
dilleşmesinden
hem-de betkärleriň
gozgalaňyndan.
4-5 Olar dillerini gylyç kimin
ýiteldýär;
bigünäni bukudan atmakçy
bolup,
ajy sözlerini peýkam kimin
çeneýär;
duýman durka ony atyp, asla
gorkmaýar.
6 Olar ýaman niýetlerinden asla
dänmeýär,
gizlin duzaklary gurmak üçin
dil birikdirýär,
«Olary görjek barmy?» diýip
oýlanýar.
7 Olar jenaýat etmegi niýet edinýär,
olar: «Birkemsiz hile-pirim
düzdük,
ynsanyň kalbyny bilip bolmaýar»
diýip,
biri-birine aýdýar.
8 Emma Hudaý olara peýkamyn atar,
olar duýdansyz ýaralanar.
9 Öz dilleri olaryň başyna ýeter,
olary görenleriň bary hopugyp
gaçar.
10 Ähli ynsanlar gorka düşerler,
olar Hudaýyň işini beýan
ederler;
Onuň edeni barada pikir ederler.
11 Dogry adam Rebde şatlansyn,
goý, ol Rebbi özüne pena
edinsin;
ýüregi dogrularyň bary
magtansyn.

### 64-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury. Nagma.*
2 Eý, Hudaý, Sen mynasypsyň
Siondaky alkyşa,
Saňa berlen kasamlar berjaý
ediler.
3 Sensiň doga-dilegleri eşidýän,
ähli ynsanlar Saňa gelerler.
4 Günäler götererden juda çökder
bolanda,
Sen olary bagyşlaýarsyň.

5 Howlularyňda ýaşasyn diýip
saýlan ynsanyň –
Özüňe ýakynlaşdyran ynsanyň
nähili bagtly!
Seniň öýüň, mukaddes
ybadathananyň
ýagşylygyndan doýaly.
6 Eý, bizi halas eýleýän Hudaý!
Gutulyşyň gudratly işlerini
görkezmek bilen,
Sen biziň dogalarymyza jogap
berýärsiň.
Ýeriň dört künjüniň,
ummanyň aňyrsynda ýaşaýanlaryň
umydy – Sensiň.
7 Sen Öz kuwwatyňy guşandyň
hem-de daglary berkarar etdiň.
8 Deňizleriň tupan-harasadyny,
onuň tolkunlarynyň
güwwüldisini,
halklaryň tolgunmasyny
ýatyrýan Sensiň.
9 Hatda dünýäniň iň çet çäklerinde
ýaşaýanlaram
Seniň alamatlaryňdan gorkup
galpyldar;
Günüň dogýan hem-de batýan
ýerinde
Sen şatlyk şowhunlaryny
döredýärsiň.
10 Sen ýeriň aladasyny edýärsiň –
ony suwarýarsyň, bolelin
kuwwat berýärsiň;
bol suwly derýalar arkaly
halkyň gallasyny üpjün
edýärsiň;
sebäbi Sen ony şeýle gurnadyň.
11 Sen onuň keşlerini suwdan
gandyrýarsyň,
onuň keş tümmeklerini
tekizleýärsiň,
ýagyş damjalary bilen ony
ýumşadýarsyň,
onuň hasylyny bereketleýärsiň.
12 Sen Öz jomartlygyňy ýyla jyga
edip geýdirýärsiň,
geçen ýerleriňden bolçulyk
joşýar.
13 Dolup-daşýar çöl örüleri,
baýyrlar hem şatlyk guşanýar.
14 Örüler sürülere beslenýär,
dereler hem galla bürenýär,
olar joşup aýdymlar aýdýar.

## 65-nji mezmur

*Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy-na. Nagma. Mezmur.*

1 Eý, tutuş ýer ýüzündäki ynsanlar!
Hudaýa heşelle kakyň.
2 Onuň şöhratly adyna nagmalar
aýdyň,
Oňa ajaýyp alkyşlar aýdyň.
3 Hudaýa diýiň:
«Eý, Hudaý, işleriň neneň
haýbatly!
Kuwwatyňyň beýikliginden ýaňa
duşmanlaryň Saňa boýun
bolýarlar.
4 Saňa sežde edýär bütin ýer ýüzi;
olar Saňa nagma aýdýarlar,
Seniň adyňa nagma aýdýarlar».
*Sela*
5 Gelip görüň Hudaýyň edenlerini:
Ol ynsanlar arasynda edýän
işlerinde haýbatly.
6 Ol deňzi gury ýere öwürdi;
olar derýadan pyýada geçdi;
Onuň şol ýerde edenlerine
şatlandyk.
7 Ol kuwwaty arkaly höküm sürýär
ebedi,
milletlere garaýar Onuň gözleri;
goý, pitneçiler baş galdyrmasyn.
*Sela*
8 Eý, halklar, Hudaýymyza alkyşlar
aýdyň;

Oňa aýdýan alkyşlaryňyz
ýaňlansyn.
9 Ol bizi aman galdyrdy,
aýagymyzy büdremekden
saklady.
10 Eý, Hudaý, Sen bizi synap
barladyň,
kümşüň arassalanyşy dek bizi
sapladyň.
11 Sen bizi duzaga saldyň,
arkamyza muşakgatlar
ýüklediň.
12 Başymyzy ynsanlaryň aýak
astyna saldyň;
biz otdan geçdik, suwlardan
geçdik,
ahyrsoňy giň ýere bizi çykardyň.
13 Men ýakma gurbanlyklar bilen
öýüňe baryp,
Saňa eden kasamlarymy berjaý
ederin.
14 Kynçylyga duçar bolamda,
bu wadalary dilim sözläp,
agzym kasam edipdi.
15 Saňa gurbanlyk goçlaryň tüssesi
bilen
semiz mallardan ýakma
gurbanlyklary hödür ederin;
öküzleri, goçlary Saňa gurban
ederin. *Sela*
16 Eý, Hudaýdan gorkýanlar, geliň-
de, diňläň!
Onuň meniň üçin edenlerini
aýdyp bereýin.
17 Men Oňa dat-perýat etdim,
dilim bilen Ony beýgeltdim.
18 Eger ýüregimde günä bolsady,
onda Taňry maňa gulak
goýmazdy.
19 Emma Hudaý meni eşitdi,
dogamyň sözlerine Ol dykgat
berdi.
20 Goý, Hudaýa alkyş aýdylsyn,
çünki meniň dogamy Ol ret
etmedi,
menden sadyk söýgüsini Ol
gaýgyrmady.

## 66-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy-
na. Kirişli saz guralynda. Mezmur.
Nagma.*
2 Goý, Hudaý bize merhemet etsin,
bizi ýalkasyn,
üstümize Öz ýüzüniň nuruny
saçsyn. *Sela*
3 Şonda Seniň ýoluňy bilerler ýeriň
ýüzünde,
halas ediş güýjüňi – ähli
milletlerde.
4 Eý, Hudaý, goý, halklar Saňa
öwgüler aýtsyn,
ähli halklar Saňa öwgüler aýtsyn.
5 Halklar şatlansyn, joşup nagmalar
aýtsyn,
çünki Sen halklara adalatly
kazylyk edýärsiň,
ýer ýüzündäki halklara Sen ýol
görkezýärsiň. *Sela*
6 Eý, Hudaý, goý, halklar Saňa
öwgüler aýtsyn,
ähli halklar Saňa öwgüler
aýtsyn.
7 Toprak öz hasylyny eçildi;
Hudaý, biziň Hudaýymyz bize
bereket bersin.
8 Goý, Hudaý bizi ýalkasyn,
dünýäniň dört künji Ondan
eýmensin.

## 67-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.
Dawudyň mezmury. Nagma.*
2 Hudaý galkar, duşmanlary
dargadar,
Ony ýigrenýänler öňünden gaçar.

3 Sen olary dagadarsyň tüssäniň
dagaýşy kimin,
mumuň otda ereýşi kimin.
Hudaýyň öňünden erbetler ýok
bolar.
4 Dogry adamlar bolsa şadyýan
bolar,
Hudaýyň öňünde şatlykdan
joşup gygyrar,
begençden ýaňa heşelle kakar.
5 Siz Hudaýa nagmalar aýdyň,
Onuň adyna öwgüler aýdyň.
Bulutlara atlanyp Barýany arşa
çykaryň,
Onuň ady – Reb.
Onuň öňünde heşelle kakyň.
6 Mukaddes mesgeninde ýaşaýan
Hudaý –
ýetimleriň atasy, dul hatynlaryň
hossary.
7 Hudaý ýalňyzlary öýli-işikli
edýär,
tussaglary azatlyga çykarýar;
pitneçiler bolsa jöwzaly ýerde
ýaşaýar.
8 Eý, Hudaý, Sen halkyňa
öňbaşçylyk edeňde,
çöl-beýewanda gadam uraňda,
9 Hudaýyň, Sinaýdakynyň
öňünde –
Ysraýyl Hudaýynyň öňünde
zemin titräp, göklerden ýagyş
guýuldy.
10 Eý, Hudaý, Sen bolelin ýagyş
ýagdyrdyň,
saýlan topragyň tapdan düşende,
oňa güýç berdiň.
11 Seniň halkyň şol toprakda ýaşady.
Eý, Hudaý, Öz ýagşylygyň
sebäpli
Sen ony mätäçlere taýynlap
goýduň.
12 Taňry buýruk berýär;
ony jar edýän aýallar – ägirt bir
goşun.
13 Olar şeýle diýýär:
«Goşunlaryň şalary gaçýar, ökje
göterýär!»
Öýde galan aýallar bolsa olja
paýlaşýar.
14 Olar ganatlary kümşe,
ýelekleri sap altyna gaplanan
kepderä meňzär.
Eý, erkekler, jeň-söweş güni
näme üçin ýatyrsyňyz agylda?
15 Gudratygüýçli Salmon dagynda
duşman şalary garly harasat
kimin dargatdy.
16 Eý, Başan dagy, Hudaýyň dagy,
çür başlary köp bolan, eý,
Başan dagy!
17 Eý, çür başlary köp bolan daglar!
Hudaýyň Öz mesgeni edip
saýlan dagyna,
ebedi mesgen tutjak dagyna
neçün göriplik bilen
seredýärsiňiz?
18 Hudaýyň söweş arabalary
sanardan köpdür,
olaryň sany müňlerçe müňler.
Taňry olaryň arasyndadyr,
Ol Sinaý dagyndan mukaddes
öýüne geldi.
19 Sen ýokary belentlige çykanyňda,
ýesirleri Öz yzyňa düşürdiň.
Ynsanlardan, hatda
bitabynlardan
Sen, ýa Beýik Hudaý, paç-hyraç
aldyň;
Sen indi biziň aramyzda
ýaşarsyň.
20 Taňra alkyş bolsun!
Ol her günki ýükümizi göterýär.
Hudaý bizi halas eýleýär. *Sela*
21 Hudaýymyz – halas eýleýän
Hudaý,

Hökmürowan Reb – ölümden
gutaryp bilýär.
22 Emma Hudaý duşmanlarynyň
kellelerini,
günäden el çekmeýänleriň uzyn
saçly başlaryny
kül-owram eder.
23-24 Taňry şeýle diýdi:
«Aýagyňy duşman ganyna
batyrar ýaly,
itleriň-de ondan öz paýyny ýalary
ýaly,
olary Başandan yzyna dolap,
deňiz çuňlugyndan alyp
çykaryn».
25 Eý, Hudaý, Seniň ýörişiň –
Hudaýym – Patyşamyň
mukaddes öýüne gelşi görünýär:
26 öňden bagşylar, sazandalar – olaň
yzyndan,
deprek çalýan gyzlar aralarynda:
27 Olar şeýle diýýär:
«Eý, siz, Ysraýylyň bilinden
önenler!
Uly jemagatda Rebbe alkyşlar
aýdyň».
28 Öňden iň kiçileri bolan Benýamin
barýar,
mähellede Ýahudanyň
şazadalary bar,
Zebulun we Naftaly şazadalary
bar,
29 Hudaý öňden belläpdi
güýç-kuwwatyňy,
eý, Hudaý, biziň üçin edenleriňi
Sen berkit!
30 Iýerusalimdäki ybadathananyň
hatyrasyna
milletleriň şalary Saňa sowgat
getirýär.
31 Bu duşman milletlere temmi ber,
olar gamyşlykdaky
ýekegapanlar ýaly,
sygyrlara aralaşan öküzler ýaly.
Boýun egdir milletleri, goý, olar
bize salgyt tölesin;
uruşdan lezzet tapýan halklary
dargat!
32 Müsürden bürünçden ýasalan
zatlar, goý, getirilsin,
Hudaýa sowgat getirmek üçin
Efiop ýurdy, goý, alňasasyn.
33-34 Eý, ýer ýüzündäki şalyklar!
Hudaýa nagmalar aýdyň,
Taňra, ezelden bar bolan göge
Münýäne,
alkyşlar aýdyň.
Diňläň, ine, Ol sesi, gudratly sesi
bilen seslenýär.
35 Ykrar ediň: güýç Hudaýyňkydyr,
Onuň belentligi Ysraýylyň
üstündedir,
Onuň gudraty gökler
üstündedir!
36 Hudaý Öz mukaddes öýünde
wehimlidir.
Ysraýyl Hudaýy Öz halkyna
güýç-kuwwat berýär.
Alkyş bolsun, alkyş bolsun
Hudaýa!

## 68-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Liliýa» äheňinde aýdylýan. Dawudyň mezmury.*
2 Eý, Hudaý, meni halas et,
çünki suwlar boýnuma ýetdi.
3 Çuň batgalyga batyp barýaryn,
aýagymy diremäge hiç ýer ýok.
Çuň suwlara girdim,
siller meni girdabyna gaplady.
4 Men öz perýadymdan halys
ýadadym,
gurap galdy meniň damagym;
Hudaýyma garaşa-garaşa
gözüm küteldi.

5 Meni nähak ýere ýigrenýänleriň
sany
başymyň saçyndan hem köp;
janyma kast etmekçi bolup,
ýalan ýere maňa günä ýapýan
ýagylarym köp.
Men ogurlamadyk zadymy
gaýtaraýynmy?
6 Eý, Hudaý, Saňa mälimdir meň
akmaklygym,
Senden gizlin däldir meň
günälerim.
7 Eý, Hökmürowan Reb,
Gudratygüýçli!
Saňa umyt baglaýanlar
men zerarly, goý, utanmasyn;
Eý, Ysraýyl Hudaýy, Seni
agtarýanlar
men zerarly, goý, uýalmasyn.
8 Çünki Seniň hatyraň üçin
masgara boldum,
meniň ýüzümi utanç büredi.
9 Men doganlaryma gelmişek
boldum,
ejemiň ogullaryna keseki
boldum.
10 Seniň öýüňe bolan yhlas meni
köýdürdi,
Saňa dil ýetirýänleriň gepi
başyma indi.
11 Agyz bekläp, gözýaş döküp,
ruhumy syndyranymda,
bularyň bary maňa gyjalat
boldy.
12 July eşik edinenimde,
olaryň agyz-diline düşdüm.
13 Derwezede oturanlar meniň
gybatym edýär,
serhoşlar men barada aýdymlar
düzýär.
14 Ýa, Reb hoşamaýlyk et-de,
dogamy eşit.
Öz söýgiňe görä,
halas ediş güýjüňiň
sadyklygynda
maňa jogap ber.
15 Halas et, men batgalyga
batmaýyn;
meni ýigrenýänlerden,
suwlaryň çuňlugyndan halas
bolaýyn.
16 Sil suwlary meni girdabyna
salmasyn,
çuňluk meni, goý, ýuwutmasyn,
gabyr üstümden öz agzyny
ýummasyn.
17 Ýa Reb, maňa jogap ber,
çünki Seniň sadyk söýgiň
ýagşydyr;
bolelin merhemetiňe görä, maňa
nazar sal.
18 Sen guluňdan Öz ýüzüňi gizleme,
ejir çekýärin, tizräk jogap
bersene!
19 Maňa ýakynlaş hem-de
halas et,
duşmanlarymyň elinden meni
azat et.
20 Sen bilýärsiň men babatda
aýdylýan ýaman gepleri,
meniň utanjymy,
betnamlygymy.
Sen bilýärsiň ähli
duşmanlarymy.
21 Ryswalyk ýüregimi perişan etdi –
men ruhdan düşdüm.
Tessellä garaşdym, emma
bolmady;
göwünlik berjekleri agtardym,
emma tapmadym.
22 Olar nahar ýerine maňa öt berdi,
suwsanymda sirke içirdi.
23 Olara öz saçagy, goý, duzak
bolsun,
myhmanlary üçin bir gapan
bolsun.

24 Goý, gözleri garaňkyrasyn, görüp
bilmesin,
olar elmydama, goý, sandyrasyn.
25 Olaryň üstüne Öz gazabyňy dök,
gaharyňyň ody olaryň üstüne
insin.
26 Goý, olaryň öýleri çolaryp galsyn,
çadyrlarynda hiç kim mesgen
tutmasyn.
27 Çünki olar Seniň uranlaryňy
yzarlaýarlar,
ýaralan adamlaryňyň agyrysy
barada gürrüň edýärler.
28 Sen olaryň jezasyna jeza goş,
olar Sen tarapdan, goý,
aklanmasyn.
29 Ýaşaýyş kitabyndan olaryň ady
bozulsyn,
olar dogrular bilen bile, goý,
ýazylmasyn.
30 Emma men bir mätäç, ejir
çekýärin,
eý, Hudaý, halas et we gora
meni.
31 Men nagmada Hudaýyň adyny
öwjek,
Ony şükürler bilen arşa çykarjak.
32 Bu has köp ýarar Rebbiň
göwnüne
şahly, toýnakly öküzden ýa-da
bugadan.
33 Pes göwünliler muny görüp
begensin,
eý, Hudaýy agtarýanlar,
ýüregiňiz galkynsyn.
34 Çünki Reb mätäçleri eşidýär,
Öz ýesir halkyny gözden
salmaýar.
35 Goý, Ony şöhratlandyrsyn asman
bilen ýer,
deňizler we olardaky ähli
jandarlar.
36 Çünki Hudaý halas eder Siony,
dikelder Ýahudanyň şäherlerini,
olar ornaşyp, şol ýere eýelik
ederler.
37 Bendeleriniň nesilleri ol ýeri
miras alarlar,
Onuň adyny söýýänler şol ýerde
mesgen tutarlar.

### 69-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy-
na. Dawudyň mezmury. Ýatlanma
dilegi.*
2 Eý, Hudaý, meni halas etmegi
niýetiňe sal;
ýa Reb, tiz ýetiş meniň dadyma.
3 Janyma kast edýänleriň hemmesi,
goý, utanja galsyn, ýüzi
gyzarsyn;
başyma gelen külpetlere şat
bolýanlar,
yzyna öwrülip, masgara bolsun.
4 Maňa «haý, haý!» diýýänler,
utançlaryndan ýaňa, goý, dowla
düşsün.
5 Seni agtarýanlaryň bary
Sende begenip, şadyýan bolsun;
«Hudaý beýikdir!» diýip,
halas edişiňi söýýänler
dyngysyz aýtsyn.
6 Men bolsa garyp we mätäç,
ýöne, eý Hudaý, maňa
gamhorlyk etgin;
Sensiň kömegim hem Halasgärim,
eglenme, ýa meniň Rebbim!

### 70-nji mezmur

1 Ýa Reb, men Seni pena edinýärin,
meni hiç haçan utanja goýma.
2 dogrulygyň bilen meni halas et,
azat et,
maňa gulak goý, tiz ýetiş meniň
dadyma.
3 Elmydama meni gizläp biläýjek,

mesgen tutunjak mäkäm gaýam
bol.
Halas bolmagymy Sen emr etdiň,
çünki gaýam, berkitmäm
Sensiň.
4 Eý, Hudaýym, meni halas et
erbediň elinden,
adalatsyz bilen zalymyň
penjelerinden.
5 Çünki, eý, Hökmürowan Reb,
umydym Sensiň,
ýaşlygymdan bil baglanym
Sensiň.
6 Dünýä inenimden Saňa
daýandym,
Sen ejemiň göwresinden meni
dünýä inderdiň;
men Saňa dyngysyz alkyş
aýdýaryn.
7 Men köplere täsinlik bolup
göründim,
emma Sen mäkäm penamsyň.
8 Saňa bolan alkyş düşmez
dilimden,
uzakly gün agzym doly
şan-şöhratyňdan.
9 Garrylyk çagymda meni taşlama,
kuwwatdan düşenimde meni
terk etme.
10 Duşmanlarym men barada
gürrüň edişýär,
janymy aňtap, özara dil
birikdirýär.
11 Olar diýýär: «Hudaý ony taşlady,
kowalap, tutuň siz ony.
Ony halas etjek ýok indi».
12 Eý, Hudaý, menden daşlaşma,
eý, Hudaýym, tiz ýetiş meniň
dadyma.
13 Meniň ýagylarym utansyn, ýok
bolup gitsin,
maňa ýamanlygy niýet edýänler
utanç bilen betnamlyga bürelsin.
14 Men bolsa hemişe umyt baglaryn,
Saňa alkyş üstüne alkyş
aýdaryn.
15 Dilim uzakly gün sözlär
dogrulygyňy
hem-de halas etmek üçin
edýänleriňi;
olaryň sany akyl ýetirerden kän.
16 Men Hökmürowan Rebbiň
gudratly güýji bilen gelerin,
Seniň, diňe Seniň dogrulygyňy
yglan ederin.
17 Eý, Hudaý, ýaşlygymdan maňa
terbiýe berdiň,
men heniz-de gudratlaryňy
beýan edýärin.
18 Jar edýänçäm geljek nesle
güýç-kuwwatyňy,
indi doguljaklaryň ählisine
Seniň güýjüňi,
garrasam-da, başym çalarsa-da
meni taşlama.
19 Eý, Hudaý, Seniň dogrulygyň
göklere ýetýär,
Sen berjaý etdiň ägirt işleri.
Eý, Hudaý, barmy Sen ýaly?
20 Köp görgä, ýaman muşakgatlara
meni uçratdyň,
ýöne gaýtadan meni ýaşaýşa
gowuşdyrarsyň,
ýeriň teýinden meni ýene
çykararsyň Sen.
21 Beýgeldersiň meniň at-abraýymy,
kalbyma berersiň Sen rahatlygy.
22 Eý, Hudaýym, men arfada
wepalylygyňy öwerin.
Eý, Ysraýyl Mukaddesi, lirada
Saňa alkyş aýdaryn.
23 Men Saňa nagma aýdanymda,
dilim, halas bolan janym şatlyk
bilen gygyrar.
24 Dilim uzakly gün dogrulygyňy
aýdar,

çünki maňa ýamanlygy niýet
edenler
masgara bolup, utanja galdy.

### 71-nji mezmur

*Süleýmanyň mezmury*

1 Eý, Hudaý, patyşa paý ber
adalatyňdan,
şa ogluna – Öz dogrulygyňdan.
2 Goý, ol dogrulyk bilen halkyňa
kazylyk etsin,
garyplaryňa adalatly hököm
çykarsyn.
3 Goý, daglar halka abadanlyk
habaryny getirsin,
depeler adalaty, goý, yglan etsin.
4 Şa halkyň garyplarynyň hakyny,
goý, alyp bersin,
mätäçleriň ogullaryny halas
eýlesin,
zalymlary, goý, weýran etsin!
5 Tä Gün hem Aý şöhle saçýarka,
nesillerboýy, goý, ol ýaşasyn [a].
6 Insin orlan ýaýla bir ýagmyr kimin,
ýeri suwarýan çabgalar kimin.
7 Onuň günlerinde adalatlyk
güllesin.
Aý ýitip gidýänçä abadançylyk
bolsun.
8 Deňizden-deňze,
Ýewfrat derýasyndan ýeriň
uçlaryna çenli,
goý, ol öz hökümini ýöretsin.
9 Çölde ýaşaýanlar oňa baş egsin,
duşmanlary, goý, toprak ýalasyn.
10 Tarşyş şalary we deňiz
ýakasyndakylar
oňa paç-hyraç tölesin,
Şeba we Seba şalary sowgat
getirsin.
11 Oňa ähli şalar, goý, tagzym etsin,
oňa ähli milletler, goý, hyzmat
etsin.
12 Çünki ol halas edýär mätäji özüne
perýat edende,
garyby-da, kömekçisi bolmadyk
ynsanlary-da.
13 Onuň ejizlere, mätäçlere rehimi
inýär,
ol mätäçleriň janyny aman
galdyrýar.
14 Goraýar sütemden, zorlukdan
olaryň janlaryny,
nazarynda gymmatly olaryň gany.
15 Patyşa, goý, uzak ýaşasyn!
Şeba altynyndan oňa berilsin,
onuň üçin elmydama doga
okalsyn,
uzakly gün oňa alkyş aýdylsyn.
16 Ýurtda galla bolelin bolsun,
daglaryň depelerinde, goý,
tolkun atsyn,
onuň hasyly Liwandaky deý köp
bolsun;
şäher halky ýaýla oty kimin,
goý, pajarlasyn.
17 Onuň ady baky ýaşasyn,
Gün astynda onuň ady güllesin,
ähli halklar onda ýalkansyn,
ähli milletler oňa, goý, bagtly
diýsin.
18 Ysraýyl Hudaýyna, Rebbe
alkyşlar bolsun!
Gudratlary diňe Ol edýär.
19 Onuň şöhratly adyna baky
alkyşlar bolsun!
Onuň şöhraty tutuş ýeriň
ýüzüne dolsun.
Omyn! Omyn!

20 Ýyşaý ogly Dawudyň doga-
-dilegleri tamamlandy.

[a] **71:5 *Ol ýaşasyn*** – käbir golýazmalarda *ondan gorksunlar.*

## ÜÇÜNJI KITAP
*(72 – 88-nji mezmurlar)*

### 72-nji mezmur

*Asafyň mezmury*

1 Dogrudan-da, Hudaý Ysraýyla
ýüregi päk bolanlara ýagşydyr.
2 Ýöne tas büdräpdi meniň
aýaklarym,
tas taýypdy meniň gadamlarym.
3 Çünki tekepbirlere göriplik etdim:
olar erbetlik edýän-de bolsa,
abadan durmuşlarynyň
bardygyny gördüm.
4 Çünki olar jebir çekmeýäne
meňzeýär,
olaryň sagdyn, semiz bedenleri
bar.
5 Olar beýlekiler ýaly azap
çekmeýär,
beýlekiler ýaly kynçylyga
duçar bolmaýar.
6 Şoňa görä tekepbirlikleri
boýunlaryny monjuk kimin
bezeýär,
zulum olary eginbaş kimin
büreýär.
7 Ýagdan ýaňa gabarýar olaryň gözi,
göwün hyýallaryndan dolup-
-daşýar ýüregi.
8 Olar ýaňsylaýar, betpäl gürleýär,
gopbamsyrap, zulum bilen
gorkuzýar.
9 Olaryň agyzlary göklere hüjüm
eýleýär,
dilleri bolsa ýerde boş zatlary
ýaňraýar.
10 Şonuň üçin Hudaý halky şolara
tarap öwrülýär,
olaryň gepine gulak gabardýar.
11 Tekepbirler diýýär: «Hudaý
biläýermikä?
Beýik Hudaý mundan
habarlymyka?»
12 Ine, tekepbirler şeýle gürleýär;
olar elmydama
gaýgysyz-gamsyz,
öz baýlygyny artdyrýandyrlar.
13 Men biderek ýere kalbymy päk
saklapdyryn,
günä etmekden saklanypdyryn.
14 Çünki uzakly gün kynçylyga
sezewar boldum,
her säherde men ejir çekdim.
15 «Men hem şolar ýaly gürlejek»
diýen bolsadym,
onda Hudaýyň halkynyň öňünde
dönük bolardym.
16-17 Muňa akyl ýetirjek bolup pikire
batdym,
emma tä Hudaýyň mukaddes
öýüne girýänçäm,
bu maňa juda kyn bolup göründi.
Şondan soň erbetleriň soňuna
düşünip galdym.
18 Dogrudan-da, Sen sürçek
ýerlerde goýduň olary,
harabalyga düşer ýaly etdiň
olary.
19 Olar bir salymda wes-weýran
boldy,
wehimden ýaňa ýok bolup gitdi!
20 Eý, Taňry Sen peýda bolan
wagtyňda,
düýş görüp oýanylan
pursatdaky deý,
puja çykararsyň hyýallaryny.
21 Kalbym hasratdan ýaňa
dolup-daşanda,
ýüregim sanjym-sanjym bolanda,
22 nadan bolup, düşünmändirin,
haýwan kimin bolupdyryn
Seniň öňüňde.
23 Ýöne şonda-da mydama Seniň
bilendirin,

Sen tutýarsyň meni golumdan.
24 Nesihatlaryň bilen maňa ýol
görkezýärsiň,
soňunda meni hormat bilen
kabul edersiň.
25 Meniň göklerde Senden başga
kimim bar?
Seniň bilen ýerde-gökde ýok
mätäçligim.
26 Tenim, ýüregim ysgyndan düşýär,
ýöne Hudaý ýürek kuwwatym,
baky nesibäm.
27 Dogrudan-da, Senden
uzaklaşýanlar ýok bolup
gider,
Özüňe biwepalyk edenleri Sen
ýok edersiň.
28 Meniň üçin bolsa Hudaýa
ýakynlaşmak ýagşydyr.
Men Hökmürowan Rebbi
özüme pena edindim;
men Onuň ähli eden işlerini
yglan ederin.

### 73-nji mezmur

*Asafyň maskili*

1 Eý, Hudaý, näme üçin bizi
hemişelik taşladyň?
Näme üçin öriňdäki goýunlara
lowlaýar Seniň gazabyň?
2 Ýatla Sen gadymdan Özüň üçin
saýlan halkyňy –
Özüňe taýpa edinmek üçin azat
edenleriňi,
ýatla Sen mesgen tutunan Sion[a]
dagyňy.
3 Müdimi harabalyklara howluk-da,
sal Sen nazary –
duşman weýran etdi mukaddes
öýüňdäki ähli zatlary.
4 Ybadat öýünde duşmanlaryň
arlap gygyrdy,
olar nyşanlaryny şol ýerde dikdi.
5 Olar göýä gür agaçlyga
paltalary aýlap salýan kişiniň
keşbindediler.
6 Indi bolsa ähli haşamlaryny bir
pursadyň içinde
palta, çekiç bilen parçaladylar.
7 Mukaddes öýüňi oda ýakdylar,
Seniň mesgeniňi haramladylar,
ony ýer bilen ýegsan etdiler.
8 Öz-özlerine şeýle diýdiler:
«Olaryň baryny tabyn edeliň».
Hudaýyň ýurdundaky ähli
ybadat öýlerini oda berdiler.
9 Biz görmeýäris gudratly
alamatlary,
indi hiç bir pygamber hem ýok;
haçana çenli şeýle boljagyny
bilýän
aramyzda ýok.
10 Eý, Hudaý, duşman haçana çenli
ýaňsylamaly?
Duşman Seniň adyňa ebedilik
dil ýetirsinmi?
11 Näme üçin goluňy yza çekýärsiň?
Eliňi goltugyňdan çykaryp, ýok
et olary!
12 Eý, Hudaý, ezelden bäri Sen
Patyşamsyň,
ýer ýüzünde halas ediş işlerini
berjaý edýärsiň.
13 Gudratyň bilen Sen deňzi böldüň,
deňiz aždarhalarynyň başlaryny
suwlarda döwdüň.
14 Liwýatanyň[b] başlaryny kül-
-owram edip,
ony çöl wagşylaryna şam edip
berdiň.

---

[a] **73:2** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.
[b] **73:14** ***Liwýatan*** – deňiz aždarhasy. Sözlüge seret.

15 Gözbaşlar ýardyryp, bulaklary
akdyrdyň,
haýbatly derýalary gus-gury etdiň.
16 Gündiz Seniňki, gije Seniňki,
Sen gögüň ýşyklaryny, Güni
berkarar etdiň.
17 Ýeriň ähli çäklerini Sen çekdiň,
Sen tomsy, gyşy ýaratdyň.
18 Ýa Reb, ýatla duşmanyň
ýaňsylaýşyny,
akmak halkyň Seniň adyňy har
edişini.
19 Wagşy haýwanlara berme Öz
gumryň janyny,
ebedilik unutma pukaralaryň
ýaşaýşyny.
20 Öz ähtiňi ýatla,
çünki ýurduň ähli buky ýerleri
zulum öýlerinden ýaňa dos-doly.
21 Ezilenler ryswa bolmasyn,
pukaralar, mätäçler adyňy
şöhratlandyrsyn.
22 Eý, Hudaý, galk-da, dawaň üçin
dawalaş,
akmagyň günuzyn Seni
ýaňsylaýşyny ýatla.
23 Öz duşmanlaryňyň seslerini
unutma;
Saňa garşy baş galdyrýanlaryň
gohy dyngysyz artýar.

### 74-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. «Heläk etme» äheňinde aýdylýan. Asafyň mezmury. Nagma.*
2 Eý, Hudaý, Saňa şükür edýäris,
Sen Öz barlygyňy aýan edýäň,
şükür edýäris,
Biz Seniň gudratlaryň hakda
aýdýarys[a].
3 Diýýärsiň: «Öz bellän wagtym
gelende,
ýüz görmezlik bilen höküm
çykararyn Men.
4 Ýer we onuň ilaty titrän
wagtynda,
Mendirin onuň direglerini
berkiden» *Sela*
5 Öwünjeňlere: «Öwünmäň» diýýän,
erbetlere: «Güýjüňize
daýanmaň» diýýän.
6 Siz öz kuwwatyňyza magtanmaň,
ýeňsäňizi dim-dik tutup
gürlemäň.
7 Çünki ýeňiş ne gündogardan,
ne günbatardan, ne-de çöldendir.
8 Kazylyk edýän diňe Hudaýdyr,
birini peseldip, birini
beýgeldýän Oldur.
9 Çünki käse Rebbiň elinde,
ol güýçli garylyp, köpükleýän
şerapdan doly.
Reb gazaby we şeraby käseden
guýar:
ýer ýüzüniň ähli erbetleri,
ony löderesine çenli içerler.
10 Men bolsa elmydama beýan ederin,
Ýakubyň Hudaýyna nagma
aýdaryn.
11 Ol erbetleriň ähli kuwwatyny
syndyrar,
dogrularyň kuwwatyny bolsa
Ol belende galdyrar.

### 75-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz gurallary üçin. Asafyň mezmury. Nagma.*
2 Hudaý Ýahudada meşhurdyr,
Onuň ady Ysraýylda beýikdir.

---

[a] **74:2** ***Biz Seniň gudratlaryň hakda aýdýarys*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Seniň gudratlaryňy jar edýärler* diýip duş gelýär.

3 Onuň çadyry Salimdedir[a],
Onuň mekany Siondadyr.
4 Ol şol ýerde döwdi
otly peýkamlary hem-de
galkany,
gylyjy hem-de söweş
ýaraglaryny. *Sela*
5 Sen nur deý şöhle saçýarsyň,
awlaglara baý bolan daglardan
dabaralysyň.
6 Arslan ýürekliler oljasyny
aldyrdylar,
olar baky uka gitdiler.
Iň güýçlüleriň hiç biriniň-de
elini galdyrmaga gurby
çatmady.
7 Eý, Ýakubyň Hudaýy, Seniň
käýinjiňden
atlar, söweş arabalary doňup
galdylar.
8 Sen wehimlisiň!
Gazaba müneňde kim durup
biler?
9-10 Sen göklerden yglan etdiň karary;
ýer ýüzüniň ähli pukarasyny
halas etmäge,
Sen kazylyk etmek üçin aýaga
galdyň,
şonda ýer ýüzi eýmenip,
ümsümlik boldy. *Sela*
11 Saňa öwgi gazandyrar hatda
ynsan gazaby,
gazabyňdan gutulanlar-da Saňa
öwgi aýdarlar.
12 Beýik Hudaýyňyza sadaka aýdyň,
olary beriň,
töweregindäkileriň bary wehimli
Hudaýa
sowgat getirsin.
13 Şazadalaryň ruhuny syndyrýan
Oldur,
ýer ýüzüniň şalaryna wehimli
Oldur.

## 76-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Ýedutunyň mukamyna laýyklykda.*
*Asafyň mezmury.*
2 Men Hudaýa perýat edýärin,
meni eşideri ýaly perýat
edýärin.
3 Muşakgatly günümde Taňryny
agtarýaryn,
gollarymy gijesine dynuwsyz
göge gerýärin,
meniň janym tesellini kabul
etmeýär.
4 Hudaýy ýatlap, ahy-nala çekýärin,
Ol hakda oýa batýaryn, ruhum
ysgyndan düşýär. *Sela*
5 Sen meniň gözlerimi ukudan
goýduň,
ynjalykdan gaçyp, gürläp
bilmeýärin.
6 Gadymy günler, köne döwür
barada
oýa batýaryn.
7 Ýatlaýaryn,
gijesine öz ýüregim bilen söhbet
edýärin
oýlanýaryn, ruhum içgin-içgin
çintgeýär:
8 Eýsem Taňry ebedilik ret
edäýdimi?
Indi menden asla razy
bolmazmy?
9 Eýsem söýgüsi ebedilik
kesiläýdimi?
Beren sözlerini hiç haçan berjaý
etmezmi?
10 Hudaý merhemet etmegi
unudaýdymy?

[a] **75:3** ***Salim*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady.

Gaharynda rehim-şepagatyny
bes edäýdimi? *Sela*
11 Diýdim: «Beýik Hudaý indi
tarapymyzy tutmaýar –
bu meni lapykeç edýär».
12 Men Rebbiň edenlerini ýada
salaryn,
Seniň gadymy gudratlaryňy
ýatlap geçerin.
13 Ähli işleriň barada pikir ederin,
Seniň beýik işleriň barada oýa
bataryn.
14 Seniň ýoluň mukaddesdir, eý,
Hudaý,
Hudaýymyz ýaly beýik haýsy
hudaý bar?
15 Sen gudratlary edýän Hudaýsyň,
Sen halklar arasynda güýjüňi
aýan edensiň.
16 Sen kuwwatly goluň bilen Öz
halkyňy:
Ýakubyň, Ýusubyň nesillerini
azat eýlediň. *Sela*
17 Eý, Hudaý, suwlar Seni gördüler,
Seni görenlerinde heder etdiler,
düýpsüz çuňluklar galpyldadylar.
18 Bulutlar ýagmyr dökdüler,
gökler gübürdediler,
peýkamlaryň çar tarapa uçdular.
19 Harasat içinde gürrüldiňiň sesi
ýaňlandy,
ýyldyrymlaryň dünýäni
ýagtylandyrdy,
ýer titräp, lerzana geldi.
20 Seniň ýoluň deňiz içredi,
Seniň ýodaň haýbatly suwlar
içredi,
emma aýak yzlaryň
görünmeýärdi.
21 Sen halkyňa Musany, Haruny
çopan bellediň,
olara goýun sürüsine dek Sen
ýol görkezdiň.

## 77-nji mezmur

*Asafyň maskili*
1 Eý, halkym, taglymatyma dykgat
ber,
meniň sözlerime gulak goý.
2 Men size tymsal aýdyp bereýin,
gadymyýetiň syrlaryny beýan
edeýin.
3 Eşiden we bilen zatlarymyzy,
atalarymyzyň bize aýdanlaryny.
4 Olary zürýatlaryndan gizlemeris
biz;
Rebbiň şanly işlerini,
güýç-kuwwatyny,
Onuň görkezen gudratlaryny,
geljek nesle yglan ederis.

5-8 Geljek nesliň,
indi doguljaklaryň bileri ýaly,
olaryň hem öz nobatynda
çagalaryna aýdary ýaly,
umytlaryny Hudaýa baglary ýaly,
Hudaýyň edenlerini unutman,
Onuň parzlaryny saklary ýaly,
ýürekleri Hudaýa wepa
bermedik,
ruhy Oňa sadyk bolmadyk atalary
deý
dikdüşdi, pitneçi bolmazy ýaly,
Ol Ýakubyň nesline –
Ysraýyl halkyna kanuny berdi.
Perzentlerine ony öwretmekligi
ata-babalarymyza Ol emr etdi.

9 Ok-ýaý bilen ýaraglanan Efraýym
nesli,
söweş gününde ökje göterdi.
10 Olar Hudaýyň ähtini
saklamadylar,
Onuň kanunyna görä
ýöremekden
ýüz döndürdiler.

11 Unutdylar Onuň işlerini,
olara görkezen gudratlaryny.
12 Ol Müsür ýurdunda, Zogan
düzünde,
atalarynyň öňünde gudratly
işleri etdi.
13 Ol deňzi böldi, olary ondan geçirdi,
suwlary bir üýşmek kimin
duruzdy.
14 Gündizine ýol görkezdi Ol bulut
bilen,
bütin gije – oduň ýagtysy bilen.
15 Ol çölde gaýany ýardy,
çuňluklardan deý
olary bolelin suwdan gandyrdy.
16 Ol gaýadan suwlar çogdurdy,
suwlary derýalar kimin akdyrdy.
17 Ýöne şonda-da Oňa garşy günä
etmegi,
çölde Beýik Hudaý garşy baş
götermegi,
dowam etdiler.
18 Ýüreklerinde Hudaýy synaga
salyp,
öz küýsän iýmitlerini talap
etdiler.
19 Hudaýa garşy sözläp, şeýle
diýdiler:
«Hudaý çölde saçak ýazyp
bilermi?
20 Hawa, Ol gaýany ýaryp, suwlar
çogdurdy,
akarlary dolup-daşdyrdy,
emma Öz halkyna çörek berip
bilermi?
Ony et bilen üpjün edip
bilermi?»
21 Reb muny eşidende dergazap
boldy,
Ýakup halkyna garşy ýalyn
tutaşdy,
Ysraýyl halkyna gazaby ör
boýuna galdy.
22 Sebäbi olar Hudaýa iman etmedi,
Onuň halas ediş güýjüne bil
baglamady.
23 Muňa garamazdan, Ol asmana
buýurdy,
gökleriň gapylaryny açyp
goýberdi.
24 Olar iýer ýaly üstlerine manna
ýagdyrdy,
olara gökleriň gallasyny iberdi.
25 Adam ogullary perişdeleriň
çöregini iýdi,
Ol olara bolelin iýmit iberdi.
26 Göklerde gündogar ýelini Ol
öwüsdirdi,
kuwwaty bilen günorta ýelini
Ol gönükdirdi.
27 Et ýagdyrdy üstlerine bir tozan
kimin,
ganatly guşlary – deňiz çägesi
kimin.
28 Bulary gaçyrdy çadyrlarynyň
aralaryna,
mesgenleriniň daş-töweregine.
29 Olar gerk-gäbe iýip doýdular,
sebäbi Ol olaryň küýsän zadyny
berdi.
30 Emma heniz isleglerinden el
götermänkä,
iýmitleri heniz agyzlaryndaka,
31 Hudaýyň gazaby olaryň üstünden
indi.
Ol olaryň iň daýawlaryny
öldürdi,
Ysraýylyň nowjuwanlaryny ýere
gaplady.
32 Emma şonda-da günälerini
dowam etdiler,
Onuň gudratlaryna
ynanmadylar.
33 Şoňa görä, olaryň günlerini puja
çykardy,
ýyllaryny howp-hatara gaplady.

34 Olary öldüren mahaly Ony
agtarýardylar,
toba edip, erjellik bilen Ony
gözleýärdiler.
35 Olar Hudaýyň özleriniň
gaýasydygyny
Beýik Hudaýyň özleriniň
Penakäridigini
ýatlaýardylar.
36 Olar agyzlary bilen Oňa
ýaranýardylar,
emma dilleri bilen ýalan
sözleýärdiler.
37 Ýürekleri bolsa Oňa sadyk
däldiler,
olar Onuň ähtine biwepadylar.
38 Ýöne rehim-şepagat edip,
olaryň günäsini Ol bagyşlady,
olary heläk etmedi,
gaharyny köp gezek olardan
sowdy,
bütin gazabyny oýandyrmady.
39 Onuň ýadyndady olaryň bir
ynsandygy,
geçip gidýän we dolanmaýan bir
şemaldygy.
40 Näçe gezek çölde Oňa garşy baş
galdyrdylar,
sährada Ony gamlandyrdylar!
41 Hudaýy öwran-öwran synap
gördüler,
Ysraýylyň Mukaddesini
öjükdirdiler.
42 Ýatlamadylar Onuň güýjüni,
olary duşmandan azat eden
gününi.
43 Müsürde görkezen alamatlaryny,
Zogan düzündäki gudratlaryny:
44 olar derýalaryndan içmesin diýip,
Ol akarlaryny gana öwürdi.
45 Olary ýalmap-ýuwutsyn diýip,
üstlerine siňek sürüsini iberdi.
Olary başagaý etsinler diýip,
gurbagalar iberdi.
46 Gemriji çekirtgä berdi
hasyllaryny,
ýumurtgadan çykan çekirtgä –
zähmet rähnetlerini.
47 Doly bilen weýran etdi
üzümlerini,
çabga bilen – injir agaçlaryny.
48 Dola berdi mal-garalaryny,
ýyldyrymlara – sürülerini.
49 Olaryň üstlerine iberdi,
Öz gaharynyň howruny,
gazaby, dergazaby hem-de
belany –
gyrýan perişdeleriň bir
toparyny.
50 Ol ýol berdi Öz gazabyna:
ölümden goramady olaň janyny,
mergä berdi ömürlerini.
51 Müsürde heläkledi ähli
nowbaharlary –
Hamyň çadyrlaryndaky ilkinji
zürýatlary.
52 Öz halkyny bolsa goýunlar kimin
ýola rowana etdi,
çölde olary bir süri kimin Ol
ugrukdyrdy.
53 Olary howp-hatardan gorap
äkitdi,
eýmenmediler,
duşmanlaryny bolsa deňiz
ýuwutdy.
54 Getirdi olary Öz mukaddes
ýurduna –
eliniň ýeňip alan dagyna.
55 Milletleri olaryň öňünden kowdy,
çadyrlarynda Ysraýyl tirelerini
ornatdy,
mülklerini paýlap, olara miras
hökmünde berdi.
56 Olar bolsa heniz-de Beýik
Hudaýy synaýardylar,
Oňa garşy baş galdyrýardylar,

parzlaryny berjaý etmeýärdiler.
57 Dänip, atalary dek biwepadylar,
ähtibarsyz keman kimin
ynamsyzdylar.
58 Ony öjükdirýärdiler seždegähleri
bilen,
gabanjaňlygyny oýarýardylar
butlary bilen.
59 Hudaý eşidip, gazaba mündi,
Ysraýyly büs-bütinleý ret etdi.
60 Ynsanlar arasyndaky mesgeni
bolan
Şilodaky çadyryny terk etdi,
61 Ýesirlige berdi Äht sandygyny,
duşmanlaryň eline – Öz
şöhratyny.
62 Öz halkyny gylyja berdi,
Öz saýlan halkyna dergazap
boldy.
63 Ýigitlerini ot ýalmap ýuwutdy,
gyzlaryna toý aýdymlary
aýdylman galdy.
64 Ruhanylary gylyçdan öldi,
olaryň dul hatynlary ýas tutup
bilmedi.
65 Şonda Taňry galkdy ukudan
oýanan kimin,
şerapdan aýňalmadyk bir erkek
kimin.
66 Ol duşmanlaryna ökje götertdi,
olary baky ryswalyga sezewar
etdi.
67 Ol Ýusubyň çadyryny ret etdi,
Efraýymyň tiresini
saýlamady-da,
68 saýlap aldy Ýahuda tiresini –
Özüniň söýen Sion dagyny.
69 Mukaddes öýüni Ol bina etdi,
belent gökler deý,
ebedilik berkarar eden dünýäsi
kimin.
70 Öz bendesi Dawudy saýlap,
ony goýun agylyndan Ol aldy.
71 Ony saýlap-seçen milleti
Ysraýyla –
Öz halky bolan Ýakup nesline
çopançylyk etmeklik üçin,
guzuly goýunlaryň yzyndan Ol
alyp galdy.
72 Dawut päk ýürek bilen olary
bakdy,
olary ökde elleri bilen ol
ugrukdyrdy.

## 78-nji mezmur

*Asafyň mezmury*

1 Eý, Hudaý, keseki milletler
Seniň saýlan topragyňa
aralaşdylar,
mukaddes ybadathanaňy
haramladylar,
Iýerusalimi weýran etdiler.
2 Seniň bendeleriňiň jesetlerini
berdiler gök guşlaryna,
Seniň sadyklaryňyň etini –
ýeriň wagşy haýwanlaryna.
3 Iýerusalimiň daş-töweregine
suw kimin olaryň ganlaryny
dökdüler,
olary jaýlan bolmady.
4 Goňşularymyza bolduk biz gülki,
töweregimizdäkilere – ryswa,
oýnatgy.
5 Ýa Reb, haçana çenli gaharlanjak?
Bize müdimilik gaharlanjakmy?
Gabanjaňlygyň ot deý lowlap
ýanjakmy?
6 Sen Öz gazabyňy dök
Seni tanamaýan milletleriň
üstüne,
adyňy çagyrmaýan şalyklaryň
üstüne.
7 Çünki olar ýuwutdylar Ýakup
halkyny,
wes-weýran etdiler onuň
ýurduny.

8 Atalarymyzyň günälerini bize
ýükleme,
bizi garşylamaga howluksyn
Seniň rehimiň,
çünki juda tapdan düşendiris
biz.
9 Eý, Hudaý, Halasgärimiz!
Öz şanly adyňyň hatyrasyna,
Sen ýardam eýle,
Öz adyňyň hatyrasyna,
bizi halas et, günäden sapla.
10 «Olaryň Hudaýy nirede?» diýip,
goý, milletler aýtmasyn.
Seniň bendeleriň dökülen
ganlarynyň alynýanlygy
göz alnymyzda, goý, milletler
bilsin.
11 Huzuryňa tussaglaryň nalasy
ýetsin;
ölüme höküm edilenleri
gora Sen Öz beýik güýjüňe görä.
12 Ýa Taňry, goňşularymyzyň
Seni ýaňsylan ýaňsylaryny
ýedi esse edip olaryň başyndan
inder.
13 Onsoň biz – Seniň halkyň, öriň
sürüsi,
şükür ederis Saňa ebedi,
şöhratyňy beýan ederis
nesillerboýy.

### 79-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*«Äht liliýasy» äheňinde aýdylýan.*
*Asafyň mezmury.*
2 Eý, Ysraýyl Çopany,
Eý, Ýusuba sürä deý ýol
Görkezýän, gulak goý!
Eý, keruplaryň üstünde Oturan,
nur saç!
3 Efraýymyň, Benýaminiň,
Manaşaň öňünde;
güýjüňi oýar, gel-de halas et.
4 Eý, Hudaý, Sen bizi dikelt,
ýüzüň nur saçsyn, halas bolaly.
5 Ýa Hökmürowan Hudaýymyz
Reb!
Öz halkyň doga-dileglerine
Sen haçana dek boljak gaharly?
6 Sen olara gözýaşly çörek iýdirdiň,
gözýaşlaryny suw kimin içirdiň.
7 Goňşy halklar biz babatda jedel
edýärler,
duşmanlarymyz üstümizden
gülýärler.
8 Bizi dikelt, eý, Hökmürowan
Hudaý!
Ýüzüň nur saçsyn, halas bolaly.
9 Üzüm nahalyny Sen Müsürden
getirdiň,
milletleri kowup, ony oturtdyň.
10 Sen onuň üçin taýýarladyň
topragy,
ol kök urup, doldurdy ýurdy.
11 Daglar bürendi onuň saýasyna,
äpet kedr daragty – şahalaryna.
12 Ol deňze çenli uzatdy şahalaryny,
derýa çenli – öz pudaklaryny.
13 Emma her ötegçiniň
onuň miwesini ýolup bileri ýaly,
Sen onuň haýatlaryny
näme üçin weýran eýlediň?
14 Tokaý ýekegapany ony dagadýar,
meýdan jandarlary ony
gemirýär.
15 Dolan, eý, Hökmürowan Hudaý!
Göklerden sal Sen nazary,
gör bu üzüm bagyny –
16 eliň oturdan bu nahalyny,
Özüň üçin kuwwatlandyran
ynsan ogluňy.
17 Olar ony otda ýakdylar,
ony çapdylar.
Goý, olar Seniň gazaply
bakyşyňdan
ýitip gitsinler.

18 Emma kömek et sagyňdaky
ynsana
Sen ony Özüň üçin getirensiň
kemala
19 Şonda ýüz öwürmeris Senden hiç
haçan;
bize ýaşaýyş ber, çagyrarys
Seniň adyňy.
20 Bizi dikelt, ýa Hökmürowan
Hudaýymyz Reb!
Ýüzüň nur saçsyn, halas bolaly.

## 80-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Gititde. Asafyň mezmury.*
2 Kuwwatymyz bolan Hudaýa
nagmalar aýdyň,
Ýakubyň Hudaýyna joşup
heşelle kakyň.
3 Mukama başlaň:
deprek, hoş owazly lirany,
arfany çalyň.
4 Täze Aý, dolan Aý wagtynda,
baýram günümizde surnaýlar
çalyň.
5 Çünki bu – Ysraýylyň parzlary,
Ýakup Hudaýynyň beren
adalatly hökümleri.
6 Ýusup nesli Müsürden çykyp
gaýdanda,
Hudaý muny oňa düzgün
hökmünde berdi.
Men bir nätanyş diliň owazyny
eşitdim:
7 «Men gerşiňi dyndyrdym ýükden,
seniň elleriň halas boldy
sebetden.
8 Muşakgat içinde çagyrdyň, seni
halas eýledim,
gök gürrüldisinden Men jogap
berdim.
Meribanyň boýunda seni
synadym. *Sela*
9 Diňle, eý, halkym, habardar
edeýin seni:
eý, Ysraýyl, wah, diňlän
bolsadyň Meni!
10 Ýat hudaý araňyzda bolmasyn,
keseki hudaýa sežde etmegin.
11 Men – Reb, seniň Hudaýyň,
çykardym Men seni Müsür
ýurdundan.
Agzyňy giňden aç, ony
dolduraýyn.
12 Emma halkym sesime gulak
asmady,
Ysraýyl Maňa tabyn bolmady.
13 Şonuň üçin niýetlerine görä
ýaşasyn diýip,
Men olary kesir ýüreklerine
tabşyrdym.
14 Wah, halkym Maňa gulak asan
bolsady!
Ysraýyl Meniň ýolumdan ýörän
bolsady!
15 Şonda tiz boýun egdirerdim
ýagylaryny,
duşmanlaryna gönükdirerdim
Men Öz elimi.
16 Rebbi ýigrenýänler oňa ýalym-
-ýulum ederdi,
kysmatlary ebedi dowam ederdi.
17 Men oňa saýlama bugdaý
iýdirerdim,
gaýadan akan bal bilen ony
doýrardym».

## 81-nji mezmur

*Asafyň mezmury*
1 Hudaý Öz mejlisinde ornuna geçip,
ylahy barlyklaryň [a] arasynda
kazylyk edýär.

---

[a] **81:1** ***Ylahy barlyklar*** – sözme-söz terjime: *hudaýlar.*

2 Hudaý şeýle diýýär:
«Haçana dek adalatsyz kazylyk
edip,
siz erbetlere tarapgöýlik
etmekçi? *Sela*
3 Adalatly çözüň garybyň, ýetimiň
dawalaryny,
goraň ezileniň, mätäjiň
hak-hukugyny.
4 Halas ediň ejiz bilen mätäji,
erbetleriň golundan azat ediň
olary.
5 Siz bilmeýärsiňiz,
düşünmeýärsiňiz,
siz garaňkylykda ýöreýärsiňiz,
ýeriň binýatlary lerzana gelýär».
6 Men diýýärin: «Siz hudaýlarsyňyz,
Beýik Hudaýyň ogullary – siziň
baryňyz.
7 Emma adam ogly kimin siz
ölersiňiz,
şazadalar kimin ýykylarsyňyz».
8 Galk, eý, Hudaý, kazylyk et ýeriň
ýüzüne
çünki Seniňkidir ähli milletler.

## 82-nji mezmur

1 *Nagma. Asafyň mezmury.*
2 Eý, Hudaý, dymma,
eý, Hudaý, ümsüm, biperwaý
bolma.
3 Seret, duşmanlaryň pitne
turuzýar,
Seni ýigrenýänler başlaryny
galdyrýar.
4 Seniň halkyňa garşy erbet niýet
edinýär,
Seniň goraýanlaryňa garşy dil
birikdirýär.
5 Diýýärler: «Geliň, ýok edeli,
goý, olar millet bolmasyn,
mundan beýläk Ysraýylyň ady,
goý, agzalmasyn».
6 Olar bir çukura tüýkürip, dil
birikdirýär
hem-de Saňa garşy äht baglaşýar:
7 edomlar we ysmaýyllar,
mowaplar we hagarlar,
8 Gebal, Ammon hem-de Amalek,
Pilişt hem-de Suruň ilaty,
9 Aşur-da goşuldy,
olar Lut ogullaryny goldady.
*Sela*
10 Sen Midýana hem-de Kişon
çaýynda
Sisera bilen Ýabyna edenleriňi
olaryň başyndan inder.
11 Olar Endorda heläk edildi,
olar topragyň dökünine öwrüldi.
12 Orep we Zeýep ýaly et
serdarlaryny,
Zebah we Salmunna dek – ähli
serkerdesini.
13 Olar: «Geliň, Hudaýyň örülerini
özümize mülk edineli» diýdiler.
14 Eý, Hudaýym, tüweleýdäki tozana,
ýel öňündäki harpyga öwür olary.
15 Oduň tokaýy köýdürşi kimin,
ýalnyň daglary otlaýşy kimin,
16 harasadyň bilen kowala Sen olary,
apy-tupanyň bilen gorkuz olary.
17 Utanja gapla olaň ýüzüni,
ýa Reb, şonda olar agtarar Seniň
adyňy.
18 Baky ryswa bolup, goý, dowla
düşsün,
utanç içinde ýok bolup gitsin.
19 Goý, olar bilsin: Reb – diňe Sensiň,
tutuş ýeriň Beýik Hudaýysyň!

## 83-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçy-
syna. Gititde. Koranyň nesilleriniň
mezmury.*
2 Eý, Hökmürowan Reb!
Seniň mesgeniň neneňsi eziz!

3 Rebbiň howlularyny küýsäp,
meniň janym ysgyndan düşýär;
ýüregim, tenim diri Hudaýa
şatlanyp, nagmalar aýdýar.
4 Seniň gurbanlyk sypaň ýanynda
hatda serçe hem tapýar özüne
bir öý,
garlawaç hem – öz çagalary üçin
höwürtge,
eý, Hökmürowan Reb, Patyşam
hem-de Hudaýym!
5 Bagtlydyr Seniň öýüňde mesgen
tutanlar,
olar mydama Seni
şöhratlandyrarlar. *Sela*
6 Bagtlydyr Senden kuwwat
alýanlar,
kalbynda Siona eltýän ýoly
arzuwlaýanlar!
7 Olar Agy-perýat jülgesinden
geçende,
ol ýer çeşmeler mekanyna
öwrülýär,
güýzki ýagyş ol ýere bereket
berýär.
8 Olaryň kuwwaty barha möwjeýär,
Sionda Hudaýyň huzurynda
häzir bolarlar.
9 Ýa Hökmürowan Hudaýymyz
Reb, eşit dogamy,
diňle meni, eý, Ýakubyň
Hudaýy! *Sela*
10 Eý, Hudaý hoşamaý seret
patyşa – galkanymyza,
merhemet et Öz seçip-saýlanyňa.
11 Çünki Seniň howlularyňda geçen
ýeke gün
başga ýerde geçen müň günden
ýagşy.
Erbetleriň çadyrlarynda men
ýaşanymdan,
Hudaýymyň öýüniň
bosagasynda duranym ýagşy.
12 Çünki Hudaýymyz Reb –
Günümiz we galkanymyz,
Ol merhemet we şöhrat berýär;
Ol dogry ýoldan ýöreýänlerden
hiç bir ýagşylygyny gaýgyrýan
däldir.
13 Eý, Hökmürowan Reb!
Saňa bil baglaýanlar nähili
bagtly!

## 84-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy-
na. Koranyň nesilleriniň mezmury.*
2 Ýa Reb, Sen Öz ýurduňa
merhemet etdiň,
Ýakup halkynyň abadanlygyny
ýene gaýtaryp berdiň.
3 Öz halkyňyň etmişlerini geçirdiň,
onuň ähli günälerini Sen
bagyşladyň. *Sela*
4 Ähli gazabyňy Sen jylawladyň,
ýowuz gazabyňy Sen
köşeşdirdiň.
5 Eý, bizi halas eýleýän Hudaý,
bagtyýar günlerimizi ýene-de
gaýtar,
bize bolan gahar-gazabyňdan
el göter.
6 Sen gaharlanjakmy bize ebedi?
Nesilden-nesle geçirjekmi Öz
gaharyňy?
7 Halkyňyň Sende şatlanyp bileri
ýaly,
Sen bizi gaýtadan dikeltjek
dälmi?
8 Ýa Reb, bize sadyk söýgiňi
görkez,
Öz halas edişiňi bize peşgeş et.
9 Diňlärin Beýik Hudaýyň
aýtjaklaryny.
Ol halkynyň, sadyklarynyň
gaýtadan akmaklyk etmezi ýaly,
olara wada berýär parahatlygy.

10 Onuň şöhratynyň ýurdumyzda
mesgen tutary ýaly,
Ol Özünden gorkýanlary
dogrudan-da, hemişe halas
etmäge taýýar!
11 Söýgi bilen wepadarlyk birleşer,
dogrulyk parahatlyk bilen biriger.
12 Wepadarlyk ýerden gögerer,
dogrulyk-da asmandan garar.
13 Hawa, Reb ýagşy zatlary berer,
topragymyz öz hasylyny eçiler.
14 Dogrulyk Onuň öňünden ýörär,
Onuň gadamlaryna ýoly
taýynlar.

## 85-nji mezmur

*Dawudyň dogasy*

1 Ýa Reb, gulak goý, maňa jogap
ber,
çünki men garyp we mätäçdirin.
2 Janymy gora, men Saňa sadyk,
Özüňe bil baglaýan bendäňi Sen
halas eýle;
meniň Hudaýym Sensiň.
3 Ýa Taňry, maňa merhemet eýle,
men uzakly gün Saňa perýat
edýärin.
4 Sen şatlandyr Öz bendäňiň
kalbyny,
çünki Saňa, eý, Taňry,
tabşyrýaryn janymy.
5 Ýa Taňry, Sen ýagşy we geçirimli,
Seni çagyrýanlaryň baryna
eçilýärsiň
sadyk söýgiňi.
6 Ýa Reb, gulak goý meniň dogama,
dykgat ber perýadymyň
dat-bidadyna.
7 Muşakgatly günümde çagyrýan
Seni,
çünki Sen berersiň maňa jogaby.
8 Ýa Taňry, hudaýlar arasynda Sen
kimin ýokdur,
Seniň işleriňe taý geljek
ýokdur.
9 Ýa Taňry, ýaradan milletleriň
ählisi gelip,
Seniň gaşyňda sežde ederler,
Seniň adyňa şöhrat aýdarlar.
10 Çünki Sen beýiksiň,
ajaýyp işleri edýän hem Sensiň,
diňe Sensiň – ýeke-täk Hudaý.
11 Ýa Reb, hakykatyňda gezerim
ýaly,
maňa öwret Sen Öz ýoluňy.
Seniň adyňdan gorkarym ýaly,
Özüňe bagla meniň ýüregimi.
12 Ýa Taňry, meniň Hudaýym,
tutuş kalbym bilen Saňa şükür
edýärin,
Seniň adyňy elmydama taryp
ederin.
13 Çünki maňa bolan sadyk söýgiň
beýikdir,
Sen janymy ölüler dünýäsinden
halas eýlediň.
14 Eý, Hudaý, tekepbirler garşyma
galýar,
zalymlar topary meni öldürjek
bolýar,
olar Sen barada hiç oýlanmaýar.
15 Sen bolsa, ýa Taňry, rehimli,
merhemetli Hudaýsyň,
Sen giň göwünli, örän wepaly,
sadyk söýgä baý.
16 Maňa nazar sal-da, merhemet
eýle,
gujur-gaýratyňdan ber Öz
bendäňe,
keniziňiň ogluny Sen halas eýle.
17 Öz hoşamaýlygyňdan bir nyşan
görkez,
meni ýigrenýänler ony görüp,
utanja galsyn.
Sebäbi, ýa Reb, Sen kömek etdiň,
Sen maňa göwünlik berdiň.

### 86-njy mezmur

1 *Koranyň nesillerine. Mezmur. Nagma.*
2 Reb şäheriniň binýady mukaddes
daglardadyr.
Reb söýýär Ýakup halkynyň
ähli mesgenlerini,
aýratyn-da Sionyň derwezelerini.
3 Eý, Hudaý şäheri!
Sen hakda şöhratly zatlar
aýdylýar. *Sela*

4 Reb şeýle diýýär:
«Özümi tanaýanlaryň ýanynda
Men Rahaby[a] we Babyly agzaýyn,
Pilişt, Sur, Efiopiýa ýurtlaryny
ýatlaýyn;
Diýýärler: „Bu adam Sionda
doglan“».

5 Sion babatda şeýle aýdylar:
«Bu adam hem, ol adam hem şu
ýerde doglan».
Beýik Hudaýyň hut Özi ony
berkarar eder.
6 Reb «Bu adam Sionda doglan» diýip,
halklaryň sanawyny ýazanda
bellär. *Sela*
7 «Meniň ähli gözbaşlarym Sionda»
diýip,
bagşylar we tansçylar
biragyzdan aýdarlar.

### 87-nji mezmur

1 *Nagma. Koranyň nesilleriniň mezmury. Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Kirişli saz guralynda aýdylýan nagma. Ezra neslinden Heýmanyň maskili.*
2 Ýa Reb, meni halas eýleýän Hudaý,
gije-gündiz gaşyňda dat-perýat
etdim.
3 Seniň huzuryňa doga-dilegim
barsyn,
diňle meniň dat-perýadymy.
4 Çünki muşakgatlardan doludyr
janym,
ölüler dünýäsine golaýlandyr
meň ömrüm.
5 Men gabra inip barýanlardan
saýyldym,
bir mejalsyz adam dek boldum.
6 Men ölüler arasyna taşlanyp,
Seni indi asla ýada salmaýan,
Seniň eliňden uzaga düşüp,
gabyrda ýatan jeset dek boldum.
7 Sen meni gabryň düýbünde,
tümlükde, çuňlukda goýduň.
8 Seniň gazabyňyň labyry üstüme
indi,
ähli tolkunlaryň meni ýumurdy.
*Sela*
9 Dost-ýaranlarymdan meni
aýyrdyň,
meni olara ýigrenji etdiň.
Daşymdan baglanan, çykyp
bilmeýän.
10 Hasratdan ýaňa küteldi gözüm,
ýa Reb, her gün Seni çagyrdym,
men ellerimi Saňa uzatdym.
11 Sen gudratlary merhumlara
etjekmi?
Ölüler Saňa öwgi aýdarmy? *Sela*
12 Seniň söýgiň jar edilermi gabyrda,
Seniň wepadarlygyň –
heläkçilik ýerinde?
13 Gudratlaryň bilinýärmi tümlükde,
Seniň dogrulygyň – unudylma
ýurdunda?

[a] **86:4** ***Rahap*** – gadymy rowaýatlarda duş gelýän äpet deňiz jandary. Bu ýerde Müsür diýen manyda gelýär. Sözlüge seret.

14 Men bolsa, ýa Reb, Saňa perýat
edýärin,
ir säherde Saňa doga edýärin.
15 Ýa Reb, näme üçin ret edýäň
meni?
Näme üçin gizleýäň menden
ýüzüňi?
16 Men çagalykdan bäri görgüli,
ölüm halynda,
howplaryňa uçrap, umytdan
düşdüm.
17 Seniň gazabyň üstüme indi,
wehimiňiň hüjümleri meni
ýumurdy.
18 Olar uzakly gün sil dek gabaýar,
ähli tarapdan töweregimi
gurşaýar.
19 Uzaklaşdyrdyň menden
dostlarymy, ýakynlarymy,
garaňkylyk – ýalňyz ýoldaşym.

### 88-nji mezmur

1 *Ezra neslinden bolan Eýtanyň maskili*
2 Ýa Reb, elmydama Seniň söýgiňe
nagma aýdaryn,
dilim wepadarlygyňy beýan
eder nesilden-nesle.
3 Diýdim: «Seniň söýgiň baky
berkarar,
wepadarlygyň gökler deý
mäkäm».
4 Diýdiň: «Saýlanym bilen Men äht
baglaşdym.
Öz gulum Dawuda Men kasam
etdim:
5 „Ebedi berkarar ederin seniň
nesliňi,
nesillerboýy bina ederin seniň
tagtyňy“». *Sela*
6 Ýa Reb, gökler öwgi aýtsyn
gudratlaryňa,
mukaddesler
mejlisinde – wepadarlygyňa.
7 Çünki göklerde Rebbe taý geljek
barmy?
Ylahy barlyklaryň arasynda
Reb deýin barmy?
8 Hudaý mukaddesler
maslahatynda örän haýbatly,
töweregindäkileriniň
hemmesinden wehimli.
9 Ýa Hökmürowan Beýik Hudaý!
Sen dek, ýa Reb, kuwwatly
barmy?
Wepadarlygyň gurşaýar Seni.
10 Guduzlan deňze ýöredýäň Öz
hökümiňi,
tolkunlary möwjände,
köşeşdirýäň olary.
11 Sen maslyk kimin mynjyratdyň
Rahaby [a],
güýçli goluň bilen pytratdyň
ýagylaryňy.
12 Gökler Seniňki, Ýer-de Seniňki,
Sen berkarar etdiň älemi,
ondaky ähli zatlary.
13 Sen ýaratdyň demirgazygy we
günortany,
Tabor, Hermon şatlykly
taryplaýar Seniň adyňy.
14 Bardyr Seniň kuwwatly goluň,
Seniň eliň güýçli, goluň
belentdir.
15 Seniň tagtyň düýbi – dogrulyk
hem-de adyllyk,
öňüňden ýöreýär – söýgi hem
wepalylyk.
16 Şatlyk şowhunyny bilýän halk
nähili bagtly!
Ýa Reb, olar Seniň ýüzüňiň
nurunda gezýär!
17 Uzakly gün Seni arşa çykarýar,

[a] **88:11** ***Rahap*** – gadymy rowaýatlarda duş gelýän äpet deňiz jandary. Sözlüge seret.

dogrulygyň arkaly olar
beýgelýär.
18 Çünki güýçleriniň
şöhraty – Sensiň,
hoşamaýlygyň bilen beýgelýär
biziň güýjümiz.
19 Biziň galkanymyz – Rebbiňki,
şamyzy Ysraýylyň Mukaddesi
belledi.
20 Sen birwagtlar aýanlykda
Öz sadyklaryňa şeýle diýipdiň:
«Men edermene kömek berdim,
Men halkyň içinden ony
saýladym.
21 Men Öz gulum Dawudy tapdym,
başyna mukaddes ýagymy
çalyp[a],
ony saýladym.
22 Elim elmydama ony söýgetlär,
golum hem ony
kuwwatlandyrar.
23 Duşman ony aldawa salmaz,
erbet adam oňa hiç sütem etmez.
24 Duşmanlaryny öňünde weýran
ederin,
ony ýigrenýänleri gyryp taşlaryn.
25 Onuň bilen bolar söýgim,
wepadarlygym,
Meniň adym bilen onuň güýji
beýgeler.
26 Onuň elini goýaryn deňziň
üstünde,
Onuň goluny – derýalaryň
üstünde.
27 Ol batly gygyryp diýer:
„Sen – meniň Atam
Hudaýym, gutulyş Gaýam!“
28 Men nowbaharlygy oňa bererin,
ony dünýä şalarynyň iň beýigi
ederin.
29 Öz sadyk söýgimi onuň üçin baky
saklaryn,
onuň bilen eden ähtime sadyk
galaryn.
30 Men baky berkarar ederin onuň
neslini,
gökleriň günleri deý – onuň
tagtyny.
31 Eger ogullary Meniň
parzlarymdan ýüz öwürseler,
adalatly hökümlerime görä
ýöremeseler,
32 Meniň parzlarymy saklamasalar,
tabşyryklarymy berjaý
etmeseler,
33 taýak bilen jezalandyraryn
etmişlerini,
gamçy bilen – olaryň
günälerini.
34 Emma Dawutdan aýyrmaryn
söýgimi,
Men wepadarlygyma galplyk
etmerin.
35 Men Öz eden ähtimi bozmaryn,
agzymdan çykan sözden
dänmerin.
36 Bir gezek Öz mukaddesligimden
ant içdim,
Dawuda ýalan sözlemerin Men.
37 „Onuň nesli dowam eder ebedi,
Meniň gaşymda onuň tagty –
Gün ýaly.
38 Gökde sadyk şaýatlyk bolan,
baky berkarar edilen Aý ýaly
bolar“». *Sela*

39 Emma Sen ony taşladyň, kabul
etmediň,
Öz seçip-saýlanyňa Sen
gaharlandyň.

[a] **88:21** ***Ýagymy çalyp*** – kimdir biriniň başyna ýag guýup, patyşalyga ýa-da ruhanylyga belleme dessury. Sözlüge seret.

40 Öz guluň bilen eden ähtiňden
dändiň,
onuň jygasyny tozana gardyň.
41 Onuň ähli diwarlaryny ýumurdyň,
berkitmelerini wes-weýran
etdiň.
42 Ötegçileriň ählisi ony talaýar,
gülki boldy ol goňşularyna.
43 Ýagylaryny ondan üstün
çykartdyň,
onuň duşmanlaryny Sen
begendirdiň.
44 Onuň gylyjynyň tygyny yza
öwürdiň,
Sen ony söweşde hiç
goldamadyň.
45 Şan-şöhratynyň soňuna çykdyň,
onuň tagtyny ýere pylçadyň.
46 Ýaşlyk günlerini Sen gysga etdiň,
ony utanja goýduň. *Sela*
47 Ýa Reb, ýüzüňi gizlejek haçana
çenli?
Sen Özüňi gizlejekmi ebedi?
Haçana çenli gazabyň ýandyrar
ot-alaw ýaly?
48 Sen ýadyňa sal ömrümiň
gysgadygyny.
Haýsy panylyk üçin ýaratdyň
bar ynsan ogullaryny?
49 Heý-de ýaşap, ölüm ýüzüni
görmeýän barmy?
Ölüler dünýäsiniň penjesinden
gutulan barmy? *Sela*
50 Ýa Taňry, Seniň öňki söýgiň
nirede?
Sen wepadarlygyňda äht etdiň-ä
Dawuda!
51 Ýa Taňry, ýatla bendeleriňiň
ryswalygyny,
köp halklaryň sögünjini
gursagymda göterişimi,
52 Ýa Reb, Seniň ýagylaryňyň
ýaňsylaýşyny,
seçip-saýlanyňyň her ädimini
ýaňsylaýşyny.
53 Reb alkyşa mynasyp asyrlarboýy!
Omyn! Omyn!

# DÖRDÜNJI KITAP
*(89 – 105-nji mezmurlar)*

## 89-njy mezmur

1 *Hudaýyň adamy Musanyň dogasy*
2 Ýa Taňry, mesgenimiz bolduň
nesillerboýy.
3 Daglar emele gelmezden ozal,
topragy, älem-jahany
ýaratmazyňdan ozal,
ezelden ebedä çenli bolan
Hudaý – Sen.
4 «Eý, adam ogullary, dolanyň»
diýip,
Sen bizi topraga
dolandyrýarsyň.
5 Seniň nazaryňda müň ýyl
düýnki geçen gün ýa gijäniň
nobaty ýaly.
6 Olary syryp äkidýärsiň, olar düýş
ýaly,
olar säher çagy bitýän ot ýaly;
ol ir säherde ösüp, gülleýär,
agşamyna bolsa orlup, guraýar.
7 Seniň gaharyňdan ýaňa biz ýok
bolýarys,
gazabyňdan ýaňa dowla
düşýäris.
8 Sen günälerimizi goýduň öňüňde,
gizlin günälerimizi – Öz
gözleriňiň alnynda.
9 Ähli günlerimiz gazabyňyň
astynda geçýär,
ýyllarymyz bir dem kimin
soňlanyp barýar.
10 Ýetmiş ýyl – ömrümiziň günleri,
segsen ýyl – eger bolaýsak
güýçli,

olaryň iň ýagşysy geçýär azap
bilen külpetde,
basym geçýär, biz ýok bolup
gidýäris.
11 Kim Seniň gaharyňyň güýjüni
bilýär?
Gazabyňyň wehimine düşünýän
barmy?
12 Ýüregimiziň parasatly bolary ýaly,
sanamagy öwret günlerimizi.
13 Dolan, ýa Reb! Haçana çenli biz
garaşmaly?
Öz bendeleriňe et Sen rehimi!
14 Uzakly gün şatlanyp, begener
ýaly,
ir säherde sadyk söýgiň bilen
bizi hoşwagt eýle.
15 Muşakgat çekdiren günleriňiň,
ýamanlyk gören ýyllarymyzyň
öwezini dolup, bizi şat eýle.
16 Seniň işiň aýan bolsun
bendeleriňe,
şan-şöhratyň – olaryň
çagalaryna.
17 Hudaýymyz Taňryň merhemeti
biz bilen bolsun.
Haýyrly et ellerimiziň işini,
hawa, ellerimiziň işi haýyrly
bolsun!

## 90-njy mezmur

1 Beýik Hudaýyň penasynda
ýaşaýan ynsan
Gudratygüýçliniň kölegesini
mesgen ediner.
2 Rebbe diýerin: «Meniň penam
hem-de berkitmäm,
meniň Hudaýym, özümiň bil
baglaýanym».
3 Ol halas eder seni awçyň
torundan
hem-de heläkleýji mergiden.
4 Ol perleri bilen seni basyrar;
ganatlarynyň astynda pena
taparsyň,
Onuň wepadarlygy galkan,
sowutdyr.
5 Gorkmarsyň gijäniň
howp-hataryndan
ýa-da gündiz uçýan peýkamdan,
6 tümlükde assyrynlyk bilen gelýän
mergiden
ýa günortan çagy tozdurýan
weýrançylykdan.
7 Gapdalyňda müň adam,
sagyňda on müň adam ýykylar,
emma bu zatlar saňa ýanaşmaz.
8 Sen gözleriň bilen ýöne gararsyň,
erbetleriň jezalaryny görersiň.
9 Çünki sen Rebbe: «Meniň
penamsyň» diýip,
Beýik Hudaýy özüňe mesgen
edindiň.
10 Şoňa görä ýamanlyk saňa asla
ýanaşmaz,
bela-beter çadyryňyň ýanyna
gelmez.
11 Seni ähli ýollaryňda goramak üçin,
perişdelerine sen babatda Ol
emr eder.
12 Aýagyň daşa büdremez ýaly,
olar seni ellerinde göterer.
13 Arslany, ýylany sen depgilärsiň,
ýolbarsy, alahöwreni sen
basgylarsyň.
14 Reb diýýär:
«Meni söýýänleri halas ederin,
adymy bilýänlere pena bolaryn.
15 Meni çagyranlarynda jogap
bererin.
Muşakgatlarda olar bilen
bolaryn,
azat edip, şan-şöhrata beslärin.
16 Olara uzak ömür bagyş ederin
olara halas edişimi Men
görkezerin».

### 91-nji mezmur

1 *Mezmur. Sabat güni üçin nagma.*
2 Ýa Reb, ne ajaýyp Saňa şükürler etmek,
ýa Beýik Hudaý, adyňa nagmalar aýtmak!
3-4 On kirişli guralda we arfada,
lirada mukamlar çalyp,
gije-gündiz söýgiňi,
wepadarlygyňy beýan eýlemek!
5 Çünki, ýa Reb, işleriň bilen meni şat etdiň,
elleriňiň işlerine şatlanyp nagma aýdaryn.
6 Ýa Reb, neneň beýik Seniň işleriň!
Gaty çuňdur Seniň oý-pikirleriň!
7 Kemakyl adam muny bilmeýär,
akmak muňa hiç düşünmeýär.
8 Emma erbetler ot deý gögerseler-de,
betkärler gülleseler-de,
olar baky weýrançylyga höküm edilen.
9 Emma Sen, ýa Reb, baky belentsiň.
10 Ine, ýa Reb, duşmanlaryň,
Seniň duşmanlaryň, ýitip giderler,
ine, ähli betkärler dargadylarlar.
11 Sen meni ýabany öküz dek kuwwatly etdiň,
başyma täze ýag guýup, meni saýladyň.
12 Duşmanymyň ýeňlişini gördi gözlerim,
maňa garşy galýanlaryň heläk bolşuny
eşitdi meniň gulagym.
13 Dogry adamlar palma agajy deý pajarlar,
Liwanyň kedr daragty deý boý alar.
14 Olar ekilendir Rebbiň öýünde,
gülleýärler Hudaýymyzyň howlularynda.
15 Olar garrasa-da, miwe getirýärler,
elmydama şireli hem-de ýaşyldyr.
16 Olar: «Reb dogrudyr, Ol meniň gaýam,
Onda nähaklyk ýokdur!» diýip aýdarlar.

### 92-nji mezmur

1 Reb höküm sürýär,
Ol şöwkete beslenen.
Reb gudrata beslenen, ony guşanan –
dünýä bina edilen, asla sarsmaz Ol.
2 Seniň tagtyň owaldan bina edilen,
Sen barsyň ezelden bäri.
3 Ýa Reb, siller beýgeldi,
siller öz sesini gataltdy,
siller güwwüldisini artdyrdy.
4 Emma ägirt suwlar sesinden,
kuwwatly deňiz tolkunlaryndan,
beýikdäki Reb has kuwwatlydyr.
5 Seniň düzgünleriň örän ähtibarlydyr.
Ýa Reb, mukaddeslik öýüňe baky mahsusdyr.

### 93-nji mezmur

1 Ýa Reb, öç alýan Hudaý,
nuruňy saç, eý, öç alýan Hudaý!
2 Galk, eý, ýer ýüzüniň Kazysy,
tekepbirlere päline görä ber jezasyny!
3 Ýa Reb, erbetler haçana çenli,
haçana çenli erbetler dabaralanar?
4 Ulumsylyk saçýar olaryň agzy,
öwünýär betkärleriň hemmesi.

5 Ýa Reb, olar halkyňy ezýär,
Seniň milletiňe ejir çekdirýär.
6 Olar dul hatyny, gelmişegi öldürýär
hem-de ýetimleriň ganyna galýar.
7 Diýýärler: «Reb görmeýär.
Ýakubyň Hudaýy dykgat bermeýär».
8 Düşüniň, eý, halkyň kemakyllary,
eý, akmaklar, haçan bolarkaňyz paýhasly?
9 Gulagy ýaradan, heý, eşitmezmi?
Göze şekil beren, heý-de, görmezmi?
10 Milletleri toba getirýän,
ynsanyýete bilim öwredýän jeza bermezmi?
11 Reb bilýär ynsanlaryň pikirlerini
hem-de bu pikirleriň panydygyny.
12 Ýa Reb, Seniň terbiýeleýän ynsanyň,
Öz kanunyňy öwredýän ynsanyň nähili bagtly!
13 Sen erbetleriň gabry taýýar bolýança,
bu ynsany muşakgatlyk döwründe
aman galdyrýaň.
14 Çünki Reb Öz halkyny taşlamaz,
Ol saýlan halkyny asla terk etmez.
15 Çünki adalat dogrulyga dolanar,
ýüregi dogrular hem oňa eýerer.
16 Meniň üçin erbetleriň garşysyna kim galar?
Meniň üçin betkärlere kim garşy durar?
17 Eger Reb kömekçim bolmadyk bolsa,
janym gabryň ümsümligine eýýäm göçerdi.
18 «Aýagym büdreýär» diýen mahalym,
meni, ýa Reb, sadyk söýgiň goldady.
19 Ýürek gaýgylarymyň artan mahaly,
Seniň teselliň janyma rahatlyk berýär.
20 Zulum kanunlaryny düzýän erbet hökümdarlar,
eýsem Saňa ýaran bolup bilermi?
21 Olar dogry ynsanyň janyna garşy
dil birikdirýärler,
bigünäni ölüme höküm edýärler.
22 Emma Reb boldy meniň berkitmäm,
Hudaýym – pena edinen gaýam.
23 Ol olaryň ýamanlygyny özlerine gaýtarar,
olary erbetlikleri üçin gyryp tükeder;
Hudaýymyz Reb olary gyryp tükeder.

## 94-nji mezmur

1 Geliň, Rebbe nagma aýdaly,
halas edýän gaýamyza şatlanyp, aýdym aýdaly.
2 Şükürlerimiz bilen huzuryna baraly,
alkyş aýdymlaryny aýdyp, Oňa heşelle kakaly.
3 Çünki Reb beýik Hudaýdyr,
ähli hudaýlaryň beýik Şasydyr.
4 Onuň elindedir ýer çuňluklary,
Onuňkydyr dagyň çür depeleri.
5 Deňiz Onuňkydyr, çünki Ol ýaratdy ony,
gury ýere şekil berdi Onuň elleri.
6 Geliň, sežde edip, tagzym edeli,

bizi ýaradan Rebbiň öňünde
dyza çökeli.
7 Çünki Ol biziň Hudaýymyzdyr,
biz Onuň örüsiniň halkydyrys,
Onuň elindäki goýunlardyrys.
Bu gün siz Meniň sesimi
eşitseňiz:
8 «Meribada, ol gün Masa
çölündäki deý,
siz gatatmaň ýüregiňizi.
9 Ol ýerde atalaryňyz Meni barlady,
edenlerimi görse-de, Meni
synady [a].
10 Kyrk ýyllap şu nesli Men ýigrenç
saýdym.
Diýdim: „Bu halkyň ýüregi
Menden uzakdyr,
Meniň ýollarymdan ýöreýän
däldir“.
11 Şoňa görä, olar dynçlyk
mekanyma girmezler diýip,
Öz gazabymda Men kasam
etdim».

## 95-nji mezmur

1 Rebbe täze nagma aýdyň,
Rebbe nagma aýt, eý, tutuş ýer
ýüzi!
2 Rebbe nagma aýdyň,
Onuň adyna alkyşlar okaň,
halas edýändigini günsaýyn
buşlaň.
3 Milletlere yglan ediň
şan-şöhratyny,
ähli halklara – gudratly işlerini.
4 Çünki Reb beýik, Ol belent sena
mynasyp,
biziň seždämize diňe Ol laýyk.
Ol milletleriň hudaýlaryndan
has wehimlidir.
5 Halklaryň bar hudaýlary ýöne bir
butdur,
emma gökleri Reb ýaradandyr.
6 Onuň huzuryndadyr hormat,
şan-şöhrat,
Onuň mekanyndadyr gözellik,
kuwwat.
7 Eý, halklaryň tireleri, Rebbi wasp
ediň,
Rebbiň şöhratyny, güýjüni öwüň.
8 Rebbiň adyna laýyk şöhraty beriň,
gurbanlyk getirip, howlularyna
giriň.
9 Rebbe şanly mukaddesliginde siz
sežde ediň,
eý, ýer ýüzündäkiler, Onuň
öňünde titräň.
10 Milletler arasynda siz şuny aýdyň:
«Reb – Patyşa!
Berk berkarar edildi dünýä,
ol sarsmaz asla.
Ol ýüz görmezden halklara
kazylyk eder».
11 Goý, gökler begensin,
ýer hem şatlansyn.
Deňiz we onuň içindäkileriň
ählisi, goý, güwwüldeşsin.
12 Meýdan we ondaky bar zatlar
şatlykdan joşsun.
Şonda tokaý agaçlary Rebbiň
öňünde
13 nagmalar aýdar, çünki Ol gelýär;
Ol dünýä kazylyk etmäge gelýär.
Ol dünýä dogrulyk bilen,
halklara Öz wepadarlygy bilen
kazylyk eder.

## 96-njy mezmur

1 Reb höküm sürýär, goý, ýer
şatlansyn,

[a] **94:9** ***Meribada… synady*** – ýewreýçe *Meriba* «dawa», *Masa* «synag» diýmegi aňladýar. Seret: Msr 17:1-7.

hemme adalar, goý, begenişsin.
2 Onuň daş-töweregi – bulut we tümlük,
tagtynyň düýbi – dogrulyk hem-de adyllyk.
3 Onuň öňünden ot-alaw ýöreýär,
töwerekdäki duşmanlaryny ýandyrýar.
4 Ýyldyrymlary dünýäni ýagtylandyrýar,
ýer ýüzi görýär hem galpyldaýar.
5 Daglar mum dek ereýär Rebbiň öňünde –
tutuş ýer ýüzüniň Taňrysynyň öňünde.
6 Gökler Onuň dogrulygyny jar edýär.
Ähli halklar Onuň şan-şöhratyny görýär.
7 Biderek butlaryna magtanyp,
şekillere sežde edýänler utandyrylýar.
Oňa tagzym ediň, eý, ähli hudaýlar!
8 Ýa Reb, Seniň kararlaryňy
Sion [a] eşidip, şadyýan bolýar,
Ýahudanyň gyzlary hem begenýär.
9 Ýa Reb, Sen ýer ýüzünde iň beýigisiň,
ähli hudaýlardan belende çykarylansyň.
10 Eý, Rebbi söýýänler, ýamanlygy ýigreniň!
Ol sadyklarynyň janlaryny aman saklaýar,
olary erbet adamyň elinden halas eýleýär.
11 Nur dogulýar dogrular üçin,
şadyýanlyk – ýüregi dogrular üçin.
12 Eý, dogrular, Rebde şatlanyň,
mukaddes adyna şükürler ediň.

### 97-nji mezmur

*Mezmur*

1 Rebbe täze nagmany aýdyň,
çünki Ol gudratly işleri etdi.
Goly, mukaddes goly,
Oňa ýeňiş getirdi.
2 Reb Öz ýeňşini aýan eýledi,
milletleriň nazarynda dogrulygyny aýan eýledi.
3 Hudaý ysraýyl halkyny söýýär,
Ol hemişe Öz halkyna wepadar.
Dünýäniň dört künjegi
Hudaýymyzyň ýeňşini gördi.
4 Eý, bütin dünýä, Rebbe heşelle kakyň,
şatlyk nagmasyny, alkyşlar aýdyň.
5 Rebbe lirada,
lirada owazly alkyşlar aýdyň.
6 Surnaýyň, şahyň sesleri bilen
Patyşamyz–Rebbiň öňünde heşelle kakyň.
7 Güwwüldeşsin deňiz we ondakylaryň ählisi,
dünýä we onda ýaşaýanlaryň bary.
8-9 Rebbiň öňünde derýalar ellerin çarpsyn,
baýyrlar joşgunly nagmalar aýtsyn,
çünki Ol ýer ýüzüne kazylyk etmäge gelýär.
Ol dogrulyk bilen dünýä kazylyk eder,
halklara ýüz görmezlik bilen kazylyk eder.

### 98-nji mezmur

1 Reb höküm sürýär, halklar, goý, galpyldasyn!

[a] **96:8** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

Ol keruplar arasynda tagt gurup
otyr, goý, ýer titresin!
2 Reb Sionda beýikdir,
ähli halklardan beýgeldilendir.
3 Goý, olar öwsünler Seniň beýik,
gorkunç adyňy,
Sen – mukaddes hem-de
gudratly!
4 Sen adalaty söýýän Patyşa:
ýüz görmezligi, adalaty,
dogrulygy berkarar etdiň;
bulary Ýakup neslinde Sen
amal etdiň.
5 Hudaýymyz Rebbi beýgeldiň,
Onuň aýagyna ýykylyp, siz
sežde ediň:
mukaddesdir Ol!
6 Ruhanylarynyň arasynda Musa,
Harun bar,
Rebbi çagyrýanlaryň arasynda
Şamuwel hem bar.
Olar Rebbe doga etdiler, Ol
jogap berdi.
7 Ol olara bulut sütüninden gürledi,
olar Onuň beren düzgünini,
parzlaryny saklady.
8 Eý, Hudaýymyz Reb, Sen jogap
berdiň.
Sen etmişleri üçin jeza berseň-de,
olar üçin bagyşlaýjy Hudaý
bolansyň.
9 Hudaýymyz Rebbi beýgeldiň,
Onuň mukaddes dagynda siz
sežde ediň.
Mukaddesdir Hudaýymyz Reb!

## 99-njy mezmur

*Şükür mezmury*

1 Eý, bütin ýer ýüzi, Rebbe heşelle
kakyň.
2 Rebbe şatlyk bilen siz gulluk ediň,
nagma aýdyp, Onuň gaşyna
baryň.
3 Ol Beýik Hudaýdyr, siz muny
biliň.
Ol bizi ýaratdy, biz-de Onuňky,
biz – örüsiniň goýunlary we
Onuň halky.
4 Derwezelerinden giriň şükürler
bilen,
howlularyna – öwgüler bilen.
Oňa şükür ediň, adyna alkyşlar
aýdyň.
5 Çünki Reb ýagşy,
Onuň söýgüsi baky,
wepadarlygy – nesillerboýy.

## 100-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Men sadyklyk we adalat barada
nagma aýdaryn,
ýa Reb, men Saňa şatlanyp,
nagma aýdaryn.
2 Men kämillik ýolundan ýörärin.
Wah, haçan gelerkäň meniň
ýanyma?!
Öýümde ýürek kämilliginde
ýaşaryn.
3 Göz alnymda ýaman zada men
ýol bermerin,
günä etmegi men ýigrenýärin,
günä maňa ýanaşmaz.
4 Ýürek azgynlygyndan daşda
bolaryn,
ýamanlyga şärik bolmaryn.
5 Gizlinlikde ýakynyna töhmet
atany weýran ederin,
gözi ýer görmeýäne, tekepbir
ýüreklä çydap bilmerin.
6 Ýurduň sadyklarynyň maňa
ýoldaş bolary ýaly,
men olara mähir bilen gararyn.
Meniň gullugymda
kämillik ýolunda gezýänler durar.
7 Hilegärlik edýän meň öýümde
ýaşamaz,

ýalan sözleýän gaşymda
durmaz.
8 Rebbiň şäherinden betkärleri
kowmaklyk üçin,
sähersaýyn ýurtdaky erbetleri
weýran ederin.

### 101-nji mezmur

1 *Derde batan we arzyny Rebbiň öňü-
ne dökýän görgüliniň dogasy*
2 Ýa Reb, dogamy eşit,
Saňa ýetsin meniň perýadym.
3 Kyn günümde menden ýüzüňi
sowma,
gulak goý maňa,
çagyran günümde maňa tizräk
jogap bersene.
4 Çünki günlerim tüsse deý ýitýär,
süňklerim tutaşan odun dek
ýanýar.
5 Ýüregim ýaraly, ot dek gurady,
mende çörek iýmäge ysgyn
galmady.
6 Iňňildimiň zaryndan ýaňa,
meniň derim süňklerime
ýapyşýar.
7 Men çöl-beýewandaky bir hüwi
ýaly,
harabalykdaky bir baýguş ýaly.
8 Gözüme asla gelmeýär uky,
men üçekdäki ýalňyz guşjagaz
ýaly.
9 Uzakly gün duşmanlarym meni
ýaňsylaýarlar,
üstümden gülýänler adymy
näletleýärler.
10-11 Seniň gahar-gazaplaryň zerarly,
küli çörek kimin iýýärin,
gözýaşlarym garylan içgi içýärin.
Sen meni göterip, gyra taşladyň.
12 Agşam kölegesi deý meniň
günlerim,
men ot kimin saralyp soldum.
13 Sen bolsa, ýa Reb, tagtda otyrsyň
baky,
Seniň adyň dowam eder
nesillerboýy.
14 Sen galkarsyň, Siona rehim
edersiň,
çünki oňa merhemet etmek
wagtydyr;
ýetip geldi bellenen wagt.
15 Seniň bendeleriň onuň daşlaryny
eziz görýärler,
onuň weýranlygyna haýpy
gelýärler.
16 Milletler gorkar Rebbiň adyndan,
dünýä şalary gorkar Onuň
şan-şöhratyndan.
17 Sebäbi Reb Siony gaýtadan
gurar,
şan-şöhratynda Ol peýda bolar.
18 Dykgat berer pukaranyň
dogalaryna,
äsgermezlik etmez olaryň
doga-dilegne.
19 Indi doguljaklar Rebbi şöhratlar
ýaly,
goý, bu geljek nesil üçin ýazgy
edilsin.
20-21 Çünki tussaglaryň ahy-
-zaryny eşitmek üçin,
ölüme höküm edilenleri
boşatmak üçin,
Reb mukaddes belentliginden
aşak seretdi,
Ol göklerden ýere nazar aýlady.
22-23 Ol halklar, şalyklar
Rebbe sežde etmäge
üýşenlerinde,
Sionda Rebbiň adyny,
Iýerusalimde şan-şöhratyny
yglan etsinler diýip, şulary etdi.
24 Ol orta ýolda meni tapdan
düşürdi,
Ol meniň günlerimi gysgaltdy.

25 Diýýärin: «Eý, meniň Hudaýym,
ömrümiň ýarynda dünýäden
alma.
Seniň ýyllaryň dowam edýär
nesillerboýy».
26 Sen gadymyýetde ýeriň binýadyn
tutduň,
gökler hem Seniň elleriňiň
işidir.
27 Olar ýitip gider, Sen bolsa dowam
edersiň,
olar köne eginbaş kimin dargap
giderler;
Sen olary eginbaş kimin
çalşarsyň,
olar geçip giderler.
28 Emma Seniň şol öňküligiň,
soňy ýokdur Seniň ýyllaryň.
29 Seniň bendeleriňiň çagalary
asuda ýaşar,
olaryň zürýatlary huzuryňda
berkarar bolar.

### 102-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Rebbe alkyş aýt, eý, meniň
köňlüm,
mukaddes adyny alkyşla, eý,
tutuş jan-bagrym.
2 Rebbe alkyş aýt, eý, meniň janym,
Onuň eden ýagşylyklaryny asla
unutma.
3 Ähli günäleriňi Ol bagyşlaýar,
ähli dertleriňe Ol şypa berýär.
4 Ömrüňi gabyrdan halas eýleýär,
sadyk söýgi, merhemet
jygasyny saňa geýdirýär.
5 Seni ömürboýy ýagşylyklar bilen
Ol razy edýär:
bürgüdiňki ýaly täzelenýär
seniň ýaşlygyň.
6 Reb ezilenleriň ählisi üçin
berjaý edýär hak-adalaty.
7 Ol Musa görkezdi Öz ýollaryny,
ysraýyl halkyna – Öz işlerini.
8 Reb rehimdar we merhemetli,
sadyk söýgä baý we giň
göwünli,
9 Ol bizi hemişe ýazgaryp durmaz,
Öz gaharyny baky saklamaz.
10 Ol bize günälerimize görä
garanok,
ýazyklarymyza görä Ol
gaýtaranok.
11 Çünki gökler ýerden nähili
belentde bolsa,
Rebbiň sadyk söýgüsi Ondan
gorkýanlara şonça-da beýik.
12 Gündogar günbatardan nähili
uzakda bolsa,
şonça-da Ol günälerimizi
bizden aýyrýar.
13 Atanyň öz ogullaryna rehim edişi
kimin,
Reb hem Ondan gorkýanlara
edýär rehimi.
14 Çünki niçik ýaradylandygymyzy
Ol bilýär,
biziň bir toprakdygymyz
ýadyna düşýär.
15 Ynsan ömri ota meňzeýär,
meýdan güli kimin olar
gülleýär,
16 üstünden şemal öwüsýär: ol hem
ýok bolýar;
öňki ýeri ony indi hiç
tanamaýar.
17-18 Emma Rebden gorkýanlar üçin,
ezelden ebedä çenli dowam
edýär Onuň söýgüsi.
Rebbiň ähtini saklap,
buýrugyny berjaý edýänler üçin,
Rebbiň gutulyşy dowam edýär
nesillerboýy.
19 Reb tagtyny göklerde berkarar
etdi,

Onuň şalygy ähli ýere
hökmürowandyr.
20 Eý, Rebbiň edermen perişdeleri –
Onuň buýruklaryny berjaý
edýänler,
Onuň aýdan sözüne tabyn
bolýanlar,
Rebbi alkyşlaň!
21 Eý, Onuň islegini berjaý edip,
Oňa hyzmat edýän melekleri,
Rebbi alkyşlaň!
22 Eý, Onuň höküm sürýän
ýerlerindäki
ýaradan zatlarynyň ählisi,
Rebbi alkyşlaň!
Eý, janym, Rebbi alkyşla!

### 103-nji mezmur

1 Rebbe alkyş aýt, eý, meniň
janym!
Sen nähili beýik, ýa Beýik
Hudaýym!
Şöhrata, şöwkete beslenýänsiň
Sen!
2 Sen nury don kimin geýýäň,
gökleri çadyr dek gerýäň.
3 Sen otaglaryňy suwlaryň üstünde
gurýaň,
bulutlary Özüňe söweş arabasy
edinýäň,
ýeliň ganatlaryna münüp
aýlanýaň.
4 Sen ilçileri ýeller dek edýäň,
emeldarlary ot-alaw edýäň.
5 Sen ýeri binýatlarynyň üstünde
gurduň,
ol sarsmaz asyrlarboýy.
6 Sen ony çuňluklara beslediň,
daglar suwlaryň astynda galdy.
7 Suwlar Seniň käýinjiňden yza
çekilýär,
gürrüldiňiň sesini eşidip,
gaçýar.
8 Olar daglardan aşyp, jülgelere –
Seniň olar üçin bellän ýeriňe
inýär.
9 Suwlar gaýdyp ýer ýüzüni
örtmesin diýip,
olar geçmesin diýip, bir serhet
goýduň.
10 Sen çeşmeleri jülgelere akdyrýaň,
olar daglaryň aralaryndan akýar.
11 Ähli meýdan haýwanlaryny hem
suwa ýakýar,
gulanlary suwdan gandyrýar.
12 Gök guşlary çeşmeleriň
boýnunda mesgen tutunýar,
ýapraklaryň arasyndan olar
saýraşýar.
13 Sen daglary belentlikdäki
mesgeniňden suwarýaň,
Seniň işleriňiň miwesinden ýer
kanagatlanýar.
14 Ynsanlar, mallar toprakdan
azygyny edinsin diýip,
olar üçin galla, otlar ösdürýäň:
15 ynsan kalbyny şatlandyrýan
şeraby,
onuň ýüzüni ýaldyradýan
zeýtun ýagyny,
ynsan ýüregine kuwwat berýän
çöregi.
16 Rebbiň agaçlary –
Onuň oturdan Liwan kedrleri
bol suwarylýar.
17 Ol ýerde guşlar höwürtgeleýär,
onuň çür başynda leglek
höwürtge gurýar.
18 Belent daglar dag geçileri üçindir,
baýyrlar torsuklara penadyr.
19 Ol möwsümleri kesgitlemek üçin
Aýy ýaratdy,
Gün hem öz ýaşmaly wagtyny
bilýär.
20 Gije bolýar Sen garaňky
düşüreniňde,

ähli jeňňel haýwanlary
janlanýar şonda.
21 Aw üçin arslanlar arlaýar,
olar Hudaýdan rysklaryny
dileýär.
22 Gün dogýar, olar yza çekilýär,
sürenlerine girýär-de, ýatýar;
23 ynsan öz işine ugraýar,
agşama çenli ol zähmet çekýär.
24 Ýa Reb, Seniň işleriň neneň
köpsanly!
Sen olaryň baryny etdiň
paýhasly,
Seniň ýaradanlaryňdan ýer ýüzi
doly.
25 Ine, deňiz: ol ägirt we giň
ol ýerde san-sajaksyz
süýrenijiler,
ululy-kiçili jandarlar bardyr.
26 Ol ýerde gämiler ýüzýär,
deňiz içre oýnasyn diýip
ýaradan aždarhaň-da bar.
27 Rysklaryny wagtynda berersiň
diýip,
olaryň bary Saňa garaşýar.
28 Sen berýärsiň – olar ýygnaýar,
eliňi açýarsyň – näz-nygmatdan
doýýar.
29 Sen ýüzüňi gizleýärsiň – olar
howsala düşýär,
janlaryny alýarsyň – olar öz
topragyna dolanýar.
30 Jan berýän demiňi iberýäň – olar
ýaradylýar,
Sen ýeriň ýüzüni täzeleýärsiň.
31 Goý, Rebbiň şöhraty ebedi bolsun,
Reb Öz işleri babatda şadyýan
bolsun.
32 Ol ýere seredýär, ol hem titreýär,
daglara elin degirýär – olar
tüteýär.
33 Men ömürboýy Rebbe nagma
aýdaryn,
demim barka Hudaýyma alkyş
okaryn.
34 Meniň oýlanmalarym, goý, Onuň
göwnünden tursun,
çünki men Rebde
şatlanýandyryn.
35 Goý, günäliler ýer ýüzünden ýok
bolsun,
erbet adamlar indi asla
bolmasyn.
Rebbe alkyş aýt, eý, meniň janym.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

### 104-nji mezmur

1 Rebbe şükür ediň we sežde ediň,
halklar arasynda Onuň işlerini
jar ediň.
2 Oňa nagma aýdyň, Ony
şöhratlandyryň,
ähli gudratly işleri barada siz
gürrüň beriň.
3 Rebbiň mukaddes ady bilen
magtanyň;
Ony agtarýanlaryň ýüregi
şatlykdan dolsun.
4 Rebbe, Onuň kuwwatyna
sygynyň,
dyngysyz Onuň huzuryny
agtaryň.
5-6 Eý, Rebbiň bendesi Ybraýymyň
zürýady,
Onuň saýlanlary – Ýakubyň
nesli!
Ýatlaň Onuň görkezen
gudratlaryny,
mugjyzalaryny, agzyndan
çykan kararlaryny.
7 Ol – Hudaýymyz Reb,
Ol tutuş ýer ýüzüne kazylyk
edýär.
8-9 Ol ähtini, müň nesle beren sözüni,
Ybraýym bilen eden ähtini,
Yshaga beren Öz wadasyny

elmydama ýatda saklaýar.
10-11 Diýdi: «Men size Kengan
ýurduny,
mirasyňyza düşen paý
hökmünde bererin».
Muny Ýakuba tassyklady kanun
hökmünde,
Ysraýyla – müdimi äht
hökmünde.
12 Şonda olar az sanlydylar,
gaty az we şol ýerde
gelmişekdiler.
13 Geçýärdiler bir milletden başga
millete,
bir şalykdan – başga şalyga.
14 Reb olary ezmäge hiç ýol
bermedi,
şolar sebäpli Ol şalara käýedi.
15 Diýdi: «Saýlap-seçenlerime siz el
degirmäň,
pygamberlerime ýamanlyk
etmäň».
16 Şonda Reb ýurda açlyk düşürdi,
Onuň ähli azygyny weýran
eýledi.
17 Öňlerinden bir adamy ýollady:
Ýusup gul edilip satyldy.
18 Onuň aýaklaryna zynjyr uruldy,
boýny demir halka salyndy.
19 Rebbiň aýdanlary berjaý
bolýança,
Onuň sözi Ýusuby synap barlady.
20 Patyşa adam iberip, ony boşatdy,
halklaryň hökümdary ony azat
eýledi.
21-22 Oňa emeldarlarynyň üstünden
ygtyýar berip,
ýaşulularyna paýhas öwretsin
diýip,
Ýusuby öz öýüne hojaýyn etdi,
tutuş mülküne hökümdar
goýdy.
23 Onsoň Ysraýyl Müsüre geldi,
Ýakup Ham ýurdunda gelmişek
bolup ýaşady.
24 Reb Öz halkyny juda köpeltdi,
olary duşmanlaryndan
kuwwatly etdi.
25 Hudaý bendeleriniň janyna kast
etsinler diýip,
duşmanlaryň ýüreginde Öz
halkyna ýigrenç döretdi.
26 Reb olaryň arasyna bendesi
Musany
we seçip-saýlan Harunyny
ýollady.
27 Olaryň arasynda görkezdiler
Rebbiň alamatlaryny,
Ham ýurdunda – gudratlaryny.
28 Reb garaňky düşürdi, ýurdy
garaňkyratdy,
Musa bilen Harun Onuň
sözünden çykyp bilmedi.
29 Ol olaryň suwuny gana öwürdi.
Olaryň balyklaryny gyryp
taşlady.
30 Müsür ýurdy, hatda şa
otaglary-da,
gurbagalardan dos-doly boldy.
31 Reb buýurdy, siňek sürüsi geldi,
çirkeýler tutuş ýurtlaryny
doldurdy.
32 Ol ýagyş deregine doly ýagdyrdy,
tutuş ýurtlaryna ýalynly
ýyldyrymlar çakdyrdy.
33 Reb üzüm baglaryny, injir
agaçlaryny urdy,
ýurtlaryndaky agaçlary çym-
-pytrak etdi.
34 Ol buýurdy: çekirtgeler,
san-sajaksyz ganat baglamadyk
çekirtgeler
hüjüm eýledi.
35 Olar Müsürdäki ösümlikleriň
baryny iýdi,
topragynyň hasylyny ýuwutdy.

36 Reb öldürdi Müsürdäki
nowbaharlary –
bar güýç-kuwwatlary bolan
ilkinji zürýatlaryny.
37 Soňra Ysraýyllary ol ýerden
altyn-kümüşli edip çykardy,
olaryň tireleriniň arasynda
büdrän bolmady.
38 Olar çykyp gaýdansoňlar Müsür
begendi,
çünki olar zerarly üstlerine howp-
-hatar abandy.
39 Reb örtgi hökmünde ýaýdy
buludy,
gije yşyk bersin diýip – alawy.
40 Dilediler, Ol bedene iberdi,
gögüň çöregini bolelin berdi.
41 Ol gaýany ýardy, suw çogup
çykdy,
ol çölüstanlykda derýa deý akdy.
42 Çünki Öz bendesi Ybraýyma
beren mukaddes wadasyny Ol
ýada saldy.
43 Ol şatlyk bilen çykardy Öz
halkyny,
nagma bilen çykardy
seçip-saýlanlaryny.
44-45 Olar Hudaýyň parzlaryny saklary
ýaly,
Onuň kanunlaryny berjaý ederi
ýaly,
başga milletleriň ýurduny olara
berdi.
Olar şol halklaryň ekinleriniň
hasylyny ordular.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

## 105-nji mezmur

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Şükür ediň, çünki Ol ýagşy,
Onuň söýgüsi baky.
2 Rebbiň beýik işlerini beýan edip
biljek barmyka?
Oňa laýyk şan-şöhrat aýdyp
biljek barmyka?
3 Adalaty goraýanlar,
elmydama dogrulyk edýänler
nähili bagtly!
4-5 Ýa Reb, halkyňa merhemet
edeniňde,
meni ýada sal.
Seniň seçip-saýlanlaryňyň
abadanlygyny görüp bilerim
ýaly,
halkyňyň şatlygyna şatlanyp
bilerim ýaly,
saýlan halkyň bilen bile
magtanyp bilerim ýaly,
olary halas edeniňde maňa
kömek et.
6 Biz hem ata-babalarymyz deý
günä işleri etdik,
ýazykly bolduk, ýamanlyk
etdik.
7 Ata-babalarymyz Müsürde
gudratlaryňa düşünmediler,
boldan-bol sadyk söýgiňi
ýatlamadylar.
Gyzyl deňziň [a] ýakasynda baş
galdyrdylar.
8 Emma Ol gudratyny bildirmek
üçin,
Öz adynyň hatyrasyna olary
halas eýledi.
9 Ol Gyzyl deňze buýurdy, ol hem
gurady,
olary çuňlukdan gury ýerden
kimin geçirdi.
10 Olary duşman elinden halas
eýledi,
olary ýagynyň penjesinden Ol
azat etdi.

[a] **105:7** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

[11] Suwlar duşmanlarynyň üstüni
örtdi,
olardan hiç biri aman galmady.
[12] Şonda Onuň sözlerine uýdular,
Oňa şöhrat nagmasyny
aýtdylar.
[13] Emma olar Onuň işlerini tiz
unutdylar,
Onuň maslahatyna garaşmadylar.
[14] Olar çölde açgözlüge göwün
berdiler,
çöl-beýewanda Hudaýy synap
gördüler.
[15] Ol olaryň dileglerini bitirdi,
emma üstlerine gyrgyn iberdi.
[16] Olar düşelgede Musa,
Rebbiň ruhanysy Haruna görip
boldular.
[17] Ýer ýarylyp Datany ýalmap
ýuwutdy,
Abyramyň toplanyşygynyň
üstüni örtdi.
[18] Olaryň toplanyşygynda ot
alawlady,
erbetleri ýalyn ýandyrdy.
[19] Olar Horepde[a] öküziň heýkelini
ýasap,
guýma buta sežde etdiler.
[20] Olar Hudaýyň şan-şöhratyny
ot iýýän öküziň şekiline
çalyşdy.
[21-22] Olar Hudaýy –
Müsürde beýik işleri,
Ham ýurdunda gudratlary işleri,
Gyzyl deňizde haýbatly işleri
eden Halasgärlerini ýatdan
çykardy.
[23] Ol olary ýok etmek howpuna
saldy,
emma Musa, Onuň saýlany,
Oňa töwella etdi,
Onuň ýandyryjy gazabyn sowdy.
[24] Olar gözel ýurdy äsgermediler,
Onuň beren sözüne
ynanmadylar.
[25] Öz çadyrlarynda hüňürdeşdiler,
Rebbiň sesini diňlemediler.
[26-27] Şoňa görä, olary çölde ýoklaryn
diýip,
milletler arasyndan
zürýatlaryny ýoklaryn diýip,
olary ýer ýüzüne dargatjak diýip,
elini galdyryp, Reb kasam etdi.
[28] Soňra Bagalpegor butuna bil
bagladylar,
ölülere bagyş edilen
gurbanlyklary olar iýdiler.
[29] Olar edenleri bilen Rebbi
gazaplandyrdy,
mergi olaryň başyna indi.
[30] Şonda Pinehas durup töwella etdi,
mergi togtady.
[31] Bu oňa dogrulyk hökmünde
nesillerboýy baky saýyldy.
[32] Olar Meribanyň boýunda Rebbi
gazaplandyrdy,
Musa olar zerarly oňaýsyz
ýagdaýa galdy.
[33] Çünki olar onuň ruhuny
gaýgylandyrdy,
onuň dili oýlanyşyksyz sözleri
aýtdy.
[34] Olar Rebbiň buýranlaryny berjaý
etmediler –
olar halklary ýoklamadylar.
[35] Gaýtam milletlere garyşyp,
olaryň däp-dessuryna eýerdiler.
[36] Olaryň butlaryna hyzmat etdiler,
butlar hem olara duzak
boldular.
[37] Olar öz ogullaryny we gyzlaryny
galp hudaýlara gurban etdiler.

---

[a] **105:19** ***Horep*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

38 Olar ogullaryny we gyzlaryny
Kengan butlaryna gurban
etdiler,
olaryň bigünä ganyn dökdüler;
ýurdy gan bilen haramladylar.
39 Edenleri bilen haram boldular,
öz işleri arkaly zyna etdiler.
40 Reb Öz halkyna garşy gazaba
mündi,
saýlap-seçen halkyny Ol
ýigrenç saýdy.
41 Olary milletleriň eline berdi,
olary ýigrenýärler üstlerinden
agalyk sürdi.
42 Duşmanlary olara jebir çekdirdi,
olary güýç bilen boýun egdirdi.
43 Ol ençeme gezek olary halas
eýledi,
emma olar pällerinden ýaňa baş
galdyrdylar,
öz günäleri zerarly kemsidildiler.
44 Emma Ol dat-perýatlaryny eşiden
wagty,
olaryň muşakgatlaryna nazar
aýlady.
45 Olaryň hatyrasyna Öz ähtini
ýadyna saldy,
sadyk söýgüsiniň bollugyna
görä rehim eýledi.
46 Olary ýesir edenleriň kalbyna
olar babatda rehim-şepagat
saldy.
47 Eý, Hudaýymyz Reb, bizi halas et!
Mukaddes adyňa şükürler eder
ýaly,
Seniň şöhratyňa buýsanar ýaly,
milletleriň arasyndan bizi
toplap al.
48 Ysraýyl Hudaýy Rebbe
ezelden ebedä çenli alkyşlar
bolsun!
Ähli halk, goý, «Omyn!» diýsin.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

## BÄŞINJI KITAP
*(106 – 150-nji mezmurlar)*

### 106-njy mezmur

1 «Rebbe şükür ediň, çünki Ol
ýagşy,
Onuň söýgüsi baky!» –
2 diýip, Rebbiň azat edenleri, goý,
aýtsyn.
Ol olary duşman elinden halas
eýledi,
3 olary ýat ýurtlardan ýygnap
jemledi:
gündogardan hem günbatardan
demirgazykdan hem günortadan.

4 Olar çöl-beýewanda sergezdan
boldy,
ilatly şähere eltýän ýoly tapyp
bilmedi.
5 Açlygyň, teşneligiň derdinden
ýaňa,
olarda ysgyn-mydar galmady.
6 Olar muşakgatlarynda Rebbi
çagyrdy,
Ol hem görgülerinden halas
eýledi.
7 Olar mesgen tutar ýaly şähere
baryp ýetýänçä,
Ol olary göni ýoldan ýöretdi.
8 Rebbiň sadyk söýgüsi üçin,
adamzada edýän ajaýyp işleri
üçin,
goý, olar Oňa şükürler etsin.
9 Çünki Ol teşne jany gandyrýar,
ajygany näz-nygmatdan
doýurýar.
10 Olar garaňkylykda we tümlükde
ýaşady,
zynjyrlara, jebir-jepa baglandy.
11 Çünki olar Hudaý sözüne tabyn
bolmandy,

Beýik Hudaýyň öwüdine
äsgermezlik edipdi.
12 Reb agyr zähmet arkaly olary
boýun egdirdi:
ýykyldylar, asla ýardam beren
bolmady.
13 Olar muşakgatlarynda Rebbi
çagyrdy,
Ol hem görgülerinden halas
eýledi.
14 Olary garaňkylykdan we
tümlükden çykardy,
olaryň zynjyrlaryny gyryp
taşlady.
15 Rebbiň sadyk söýgüsi üçin,
adamzada edýän ajaýyp işleri
üçin,
goý, olar Oňa şükürler etsin.
16 Çünki Ol bürünç derwezeleri
çym-pytrak etdi,
demir söýeleri ikä bölüp
taşlady.
17 Öz günäli ýollary we etmişleri
zerarly,
akylsyzlar jebir-jepalar çekdi.
18 Olar iýmitiň islendigini ýigrendi,
ölüm derwezeleriniň agzyna
bardy.
19 Olar muşakgatlarynda Rebbi
çagyrdy,
Ol hem görgülerinden halas
eýledi.
20 Ol sözüni iberdi we şypa berdi,
olary gabra inmekden halas
eýledi.
21 Rebbiň sadyk söýgüsi üçin,
adamzada edýän ajaýyp işleri
üçin,
goý, olar Oňa şükürler etsin,
22 şükür gurbanlyklaryny, goý,
hödürlesin,
Onuň işlerini şatlyk
nagmasynda beýan eýlesin.
23 Deňizdäki gämilerde ýüzýänler,
haýbatly suwlarda söwda
edýänler
24 Rebbiň işlerini,
çuňluklardaky ajaýyp işlerini
gördüler:
25 Ol buýurdy-da, tupanly gaý
turuzdy,
ol hem deňziň tolkunlaryny
galkdyrdy.
26 Gämiçiler göge galdy, çuňluga
indi,
gorkudan ýaňa janlary çykara
geldi.
27 Serhoş kimin yranyp entirekledi,
akyl-huşlary başyndan uçdy.
28 Olar muşakgatlarynda Rebbi
çagyrdy,
Ol hem görgülerinden halas
eýledi.
29 Ol tupany asudalyga öwürdi,
deňiz tolkunlary köşeşdi.
30 Şatlandylar, çünki ümsümlik
boldy,
Ol olaryň islän gämi
duralgasyna ýetirdi.
31 Rebbiň sadyk söýgüsi üçin,
adamzada edýän ajaýyp işleri
üçin,
goý, olar Oňa şükürler etsin.
32 Olar halk jemagatynda Ony
beýgeltsin,
ýaşulular mejlisinde Ony
şöhratlandyrsyn.
33-34 Reb ýurt ilatynyň erbetlikleri
zerarly,
derýalary öwürýär çölüstanlyga,
suwuň gözbaşlaryny – teşne
topraga,
bereketli topragy – şorluk
ýerlere.
35 Ol çöli öwürýär kak köllerine,
gurak topragy – suw gözbaşyna.

36 Ol şol ýerde aç-suwsuzlary
ýaşadýar,
olar hem ýaşamak üçin şäher
gurunýar.
37 Olar meýdanlara ekin ekýär,
üzüm baglaryny oturdýar
hem-de boldan – bol hasyly alýar.
38 Hudaýyň berekedi arkaly olar
köpelýär,
Ol mal-garalaryny hiç
azaltmaýar.
39 Emma mätäçler ezýet, muşakgat,
hasrat zerarly,
azalyp, boýun egdirilende,
40 Ol şazadalaryň üstüne betnamlyk
guýýar,
olary ýol-ýodasyz çölde
sergezdan edýär.
41 Mätäji bolsa görgülerinden
dyndyrýar,
onuň maşgalasyny süri kimin
köpeldýär.
42 Ýüregi dogrular muny görüp
şatlanýar,
erbetler bolsa agzyny ýumýar.
43 Paýhasy bolan muňa üns bersin,
Rebbiň sadyk söýgüsini aňlasyn.

## 107-nji mezmur

1 *Nagma. Dawudyň mezmury*
2 Ýüregim sarsmaz, eý, Hudaý,
sarsmaz meniň ýüregim:
men nagmalar aýdyp, mukam
çalaryn.
3 Oýan sen, eý, meniň ýüregim.
Oýanyň, arfa hem lira!
Men daňy oýararyn nagmalar
bilen.
4 Ýa Reb, halklar arasynda Saňa
şükür ederin,
milletler arasynda Saňa nagma
aýdaryn.
5 Çünki Seniň söýgiň göklere ýetýär,
wepalylygyň bulutlara direýär.
6 Eý, Hudaý, göklerden-de ýokary
beýgel,
tutuş ýer ýüzüne dolsun Seniň
şöhratyň!
7 Öz söýýänleriňiň gutulyp bileri
ýaly,
goluň bilen halas et, maňa
jogap ber.
8 Wada berdi Hudaý Öz mukaddes
öýünden:
«Uly şatlyk bilen Men Şekemi
bölerin
hem-de Sukot deresini ölçärin.
9 Gilgat Meniňki, Manaşa Meniňki,
Efraýym – tuwulgam,
Ýahuda – patyşalyk hasam.
10 Mowap – ýuwunmak üçin
legenim,
Edomyň üstüne zyňaryn Men
çarygymy.
Pilişt topragynda ýeňiş dabarasy
bilen gygyraryn Men».
11 Berk gala kim meni elter?
Meni Edoma kim alyp gider?
12 Eý, Hudaý, eýsem Sen bizi ret
edäýdiňmi?
Eý, Hudaý, indi goşunlarymyz
bilen gitjek dälmi Sen?
13 Duşmanlarymyzy ýeňmäge bize
kömek et,
sebäbi ynsan kömegi biderek
zatdyr.
14 Hudaý arkaly ýeňiş gazanarys,
duşmanlarymyzy depelejek
Oldur.

## 108-nji mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna. Dawudyň mezmury*
Dymma, eý, senamyň Hudaýy!
2 Çünki erbetler, hilegärler maňa
garşy agzyny açyp,

ýalançy dilleri bilen garşyma
olar gepleýär.
3 Olar ýigrenç sözleri bilen meni
gurşaýar,
sebäpsiz ýere meniň bilen
uruşýar.
4 Men olar üçin doga-dileg edýärin,
olar bolsa söýgime derek meni
ýazgarýar.
5 Olar ýagşylygyma ýamanlyk
edýär,
söýgime derek meni ýigrenýär.
6 Olar şeýle diýýär:
«Goý, onuň garşysyna erbet
adam çyksyn,
garalawjy onuň sagynda dursun.
7 Işine garalanda, aýyply çyksyn,
onuň doga-dilegi günä saýylsyn.
8 Onuň günleri sanlyja bolsun,
başga onuň ornuny alsyn.
9 Onuň çagalary, goý, ýetim bolsun,
aýaly hem dul bolup galsyn.
10 Çagalary entäp, goý, gedaý
gezsin,
harabalyklaryndan çykarylyp,
çörek dilesin.
11 Süýthor onuň bar zadyny
garbasyn,
agyr zähmetiniň rähnetini
keseki görsün.
12 Hiç kim oňa, goý, merhemet
etmesin,
ýetimlerine hiç kimiň haýpy
gelmesin.
13 Goý, onuň nesli kesilsin,
geljekki nesilden onuň ady, goý,
öçürilsin.
14 Atalarynyň günäsi elmydama
Rebbiň öňünde,
goý, ýatlanylsyn,
ejesiniň ýazygy öçürilmesin!
15 Goý, günäleri elmydama Rebbiň
öňünde bolsun,
ýer ýüzünde ýatlanmaz ýaly,
goý, Ol ony kesip taşlasyn.
16 Çünki ol merhemet etmegi ýada
salmady,
gaýtam garyby, mätäji, ýüregi
gamlyny
öldürjek bolup, olary yzarlap
gezdi.
17 Ol gargyşy söýdi; goý, gargyşy öz
başyndan insin,
ol hiç kime ýagşylygy
arzuwlamady,
goý, oňa-da hiç kim ýagşylygy
arzuw etmesin!
18 Ol gargyşy don edip geýdi:
goý, ol suw kimin siňsin onuň
tenine,
ýag kimin – onuň süýeklerine.
19 Şoňa görä, goý, ol eşik kimin ony
dolasyn,
günde guşanýan guşagy
bolsun».

20 Goý, Rebbe meni
ýamanlaýanlaryň,
janyma garşy söz aýdýanlaryň
aljak almyty
şular deý bolsun.
21 Emma Sen, eý, Hökmürowan Reb,
meniň bähbidimi ara Öz adyň
hatyrasyna
Sadyk söýgiňiň ýagşydygy
sebäpli, meni halas et.
22 Çünki men garyp we mätäçdirin,
ezýet çekýär meniň ýüregim.
23 Agşam kölegesi dek ýitip
gidýärin,
olar meni çekirtge deý
kakýarlar.
24 Agyz beklemeden ýaňa dyzymyň
kuwwaty gaçdy,
göwräm ýagsyzlykdan ýaňa
horlanyp galdy.

25 Meni ýamanlaýanlara boldum bir
gülki,
meni görenlerinde ýaýkaýar
olar başyny.
26 Ýa Reb, Hudaýym, maňa kömek
et,
Öz sadyk söýgiň hatyrasyna
meni halas et.
27 Bilsinler bu işde Seniň eliň
bardygyny,
ýa Reb, muny Seniň edendigiňi.
28 Goý, olar gargabersin, emma Sen
ak pata berersiň!
Olar baş galdyrýar, emma
masgara bolar,
Seniň bendäň bolsa şadyýan
bolar.
29 Meni ýazgarýanlar betnamlyga
bürensin,
goý, olar ryswalygyny don edip
geýsin.
30 Men Rebbe köp şükür etjek,
uly jemagatda Ony
şöhratlandyrjak.
31 Çünki Ol mätäjiň sagynda durýar,
ony ölüme höküm edýänleriň
elinden halas eýleýär.

## 109-njy mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Hudaý rebbime[a] şeýle sözledi:
«Duşmanlaryňy aýak astyna
salýançam,
Meniň sagymda otur».
2 Reb Siondan[b] uzadar şalyk
hasaňy,
duşmanlaryňa ýöret sen öz
hökümiňi.
3 Söweş günüňde gerçekleriň
mukaddes şöhrata beslenip,
meýletin bolar,
ýaşlygyň säher çygy deý
dolanyp geler.
4 Reb ant içdi, Ol ondan dänmez:
«Mäliksadyk derejesindäki
müdimilik ruhanysyň sen».
5 Taňry seniň tarapdaryňdyr:
Ol gazaba münen gününde
şalary kül-peýekun eder.
6 Reb milletlere höküm çykarar,
olaryň ýurduny läşlerinden
doldurar.
Ol tutuş ýeriň ýüzünde
baştutanlary kül-peýekun eder.
7 Sen bolsa ýoldaky çeşmeden içip,
öz başyňy belent tutarsyň.

## 110-njy mezmur

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
*Alef*
Men dogrularyň mejlisinde we
jemagatda
*Bet*
tutuş kalbym bilen Rebbe şükür
ederin.
*Gimel*
2 Beýikdir Rebbiň işleri,
*Dalet*
olary agtarýar bar muşdaklary.
*He*
3 Onuň işi dabaradan, şöhratdan
doly,
*Waw*
Onuň dogrulygy dowam edýär
ebedi.
*Zaýin*
4 Ol ýatdan çykmajak gudratly
işleri etdi,

[a] **109:1 *Hudaý rebbime*** – gadymy döwürde *reb* diýen söz Hudaýa ýa-da patyşa ýüzlenilende ulanyldy. Sözlükde «Reb» sözüne seret.
[b] **109:2 *Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

*Ḥet*
Reb merhemetli hem-de rehimli.
*Ṭet*
5 Ol Özünden gorkýanlara berýär
rysgaly,
*Ýod*
eden ähti ýadyndadyr müdimi.
*Kaf*
6 Ol halkyna işleriniň gudratyny
görkezdi:
*Lamed*
milletleriň mirasyny olara berdi.
*Mem*
7 Onuň elleriniň işleri wepaly we
adalatly,
*Nun*
Onuň bar buýruklary
ygtybarlydyr.
*Sameh*
8 Elleriniň işleri berkarar edildi
asyrlarboýy,
*Ğaýin*
wepalylyk we dogrulyk olaryň
binýatlary.
*Pe*
9 Reb Öz halkyny halas eýledi,
*Tsadi*
Öz ähtini baky buýurdy;
Onuň ady mukaddes hem-de
wehimli.
*Reş*
10 Rebden gorkmak – danalyk başy,
*Şin*
muny amal edýänleriň
düşünjeleri dogry.
*Taw*
Onuň senasy dowam edýär
asyrlarboýy.

## 111-nji mezmur

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
*Alef*
Rebden gorkýan,
*Bet*
buýruklaryndan lezzet alýan
nähili bagtly!
*Gimel*
2 Onuň zürýady ýurtda kuwwatly
bolar,
*Dalet*
dogrularyň nesli bereket tapar.
*He*
3 Bolelinlik, baýlyk onuň öýünde
bolar,
*Waw*
dogrulygy dowam eder
asyrlarboýy.
*Zaýin*
4 Dogry ynsan üçin hatda
garaňkyda nur dogar,
*Ḥet*
ol mähriban, dogruçyl we
rehimlidir.
*Ṭet*
5 Jomart, karz berýän ynsan
gowudyr,
*Ýod*
ol işlerini adalatly ýola goýýandyr.
*Kaf*
6 Çünki dogry ynsan hiç haçan
sarsmaz,
*Lamed*
müdimilik ol unudylmaz.
*Mem*
7 Ol şum habardan gorkmaz,
*Nun*
Rebbe bil baglap, ýüregi sarsmaz.
*Sameh*
8 Onuň ýüregi mäkäm,
*Ğaýin*
ol asla eýmenmez,
iň soňunda duşmanlarynyň
ýeňlişin görer.
*Pe*
9 Ol sahylyk bilen paýlady, mätäje
berdi,

*Tsadi*
onuň dogrulygy dowam eder
ebedi,
at-abraýy bilen bile artýar
kuwwaty.
*Reş*
10 Erbet adam muny görüp, gazaba
münýär,
*Şin*
dişini gyjaýar we ruhdan
düşýär;
*Taw*
erbet adamyň göwün islegleri puç
bolar.

## 112-nji mezmur

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Eý, Rebbe hyzmat edýänler,
şöhratlandyryň,
Rebbiň adyna şan-şöhrat
bolsun!
2 Şindiden ebedä çenli
Rebbiň ady alkyşly bolsun!
3 Günüň dogýan ýerinden batýan
ýerine çenli,
Rebbiň adyna şan-şöhrat
bolsun!
4 Reb ähli milletlerden belentde,
Onuň şan-şöhraty gökler
üstünde.
5 Eýsem Hudaýymyz Reb kimin
barmy?
Ol göklerde oturan bolsa-da,
6 eglip, göge, ýere nazar aýlaýar.
7 Ol garyplary ýerden galdyrýar,
mätäçleri kül içinden çykarýar,
8 olary şazadalaryň ýanynda,
Öz halkynyň şazadalary bilen
oturdýar.
9 Önelgesiz aýalyň öýüni dikýär,
ony çagalaryna guwandyryp,
bagtyýar edýär.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

## 113-nji mezmur

1 Ysraýyl Müsürden çykyp
gaýdanda,
Ýakup nesli dili başga halkdan
gaýdanda,
2 Ýahuda Hudaýyň mukaddes
öýüne,
Ysraýyl hem Onuň şalygyna
öwrüldi.
3 Deňiz görüp, ökje göterdi,
Iordan derýasy ters ugra akdy.
4 Daglar bökjekleşdi goçlar ýaly,
depeler hem – guzular ýaly.
5 Eý, deňiz, näme üçin gaçdyň?
Eý, Iordan derýasy, näme üçin
tersine akdyň?
6 Eý, daglar, näme üçin
bökjekleşdiňiz siz goçlar ýaly,
depeler hem – guzular ýaly?
7-8 Gaýany suw howzuna öwürýän,
çakmak daşy suw gözbaşyna
öwürýän
Rebbiň öňünde,
Ýakup Hudaýynyň öňünde titre,
ýer ýüzi!

9 Bize däl, ýa Reb, bize däl,
söýgiň we wepadarlygyň
hatyrasyna
şan-şöhrat ber Sen Özüňe!
10 «Hany olaryň Hudaýy?» diýip,
näme üçin milletler aýtsyn?!
11 Biziň Hudaýymyz göklerde
Ol göwnüniň islän zadyny
edýär.
12 Milletleriň butlary kümüş,
tylladyr,
olar ynsan elleriniň işidir.
13 Olaryň agzy bar, ýöne
gürlemeýär,
gözleri bar, ýöne görmeýär.
14 Gulaklary bar, ýöne eşitmeýär,

burunlary hem ys-kok almaýar.
15 Elleri bar, ýöne hiç zat duýmaýar,
aýaklary bar, ýöne ýöremeýär,
bogazlaryndan ses-üýn
çykmaýar.
16 Şolar dek bolar olary ýasanlar,
we olara bil baglan ähli ynsanlar.
17 Eý, Ysraýyl, Rebbe bil bagla!
Ol seniň kömegiň hem-de
galkanyň.
18 Eý, Harunyň nesli, Rebbe bil
bagla!
Ol seniň kömegiň hem-de
galkanyň.
19 Eý, Rebden gorkýan, Oňa bil
bagla!
Ol seniň kömegiň hem-de
galkanyň.
20 Reb bizi ýadyna saldy,
Ol bize ak pata berer.
Ol Ysraýylyň nesline ak pata
berer,
Ol Harunyň nesline ak pata
berer.
21 Rebden gorkýanlara,
uly-kiçä ak pata berer;
22 goý, Reb sizi hem-de
zürýatlaryňyzy köpeltsin;
23 goý, gögi-ýeri ýaradan Reb
size ak pata bersin.
24 Gökler Rebbiňkidir,
ýeri bolsa Reb ynsan ogullaryna
berdi.
25 Merhumlar, gabra inýänleriň hiç biri
Rebbi şöhratlandyrmaýar.
26 Emma şindiden ebedä çenli,
biz Rebbe aýtjak alkyşy.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

## 114-nji mezmur

1 Rebbi söýýärin,
çünki Ol eşitdi sesimi,
dat-peryadymy.
2 Ol maňa gulak goýandygy sebäpli,
Ony çagyraryn men ömürboýy.
3 Ölüm tanaplary maňa oraldy,
ölüler dünýäsiniň sütemleri
üstüme indi,
meni jebir-jepa, gam-gussa
basdy.
4 Men şonda çagyrdym Rebbi:
«Ýa Reb, ýalbarýaryn, halas et
meniň janymy!»
5 Reb dogry we merhemetli,
biziň Hudaýymyz rehimli.
6 Reb goraýar sada ynsany,
tapdan düşenimde, Ol meni
halas eýledi.
7 Rahatlygyňa öwrül, eý, meniň
janym,
çünki Reb saňa jomartlyk etdi.
8 Sen ölümden halas etdiň janymy,
gözýaşlardan – meniň gözümi,
büdremekden – aýaklarymy.
9 Men diriler diýarynda
Rebbiň huzurynda gezerin.

## 115-nji mezmur

1 «Ejirlerim juda köp» diýip
gürledim,
ýöne şonda-da men iman etdim.
2 Howsala düşen wagtymda:
«Ähli ynsanlar ýalançy» diýdim.
3 Rebbiň maňa eden
ýagşylyklarynyň
öwezini nädip dolaýyn?
4 Gutulyş pyýalasyny galdyryp,
Rebbim diýip Ony çagyraryn.
5 Bütin halkynyň öňünde
Rebbe eden kasamlarymy
berjaý ederin.
6 Rebbiň sadyklarynyň ölümi
Onuň üçin nähili agyr!
7 Ýa Reb! Men Seniň bendäň,
men Seniň bendäň, Seniň
gyrnagyň ogly;

Sen zynjyrlarymy gyryp
taşladyň.
8 Saňa şükür gurbanlygyny hödür
ederin,
Rebbiň adyny men çagyraryn.
9-10 Bütin halkynyň öňünde,
Reb öýüniň howlularynda,
eý, Iýerusalim, seniň içiňde,
Rebbe eden kasamlarymy
berjaý ederin.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

### 116-njy mezmur

1 Rebbe şöhratlandyryň, ähli
milletler!
Ony beýgeldiň siz, eý, ähli
halklar!
2 Çünki Onuň bize bolan söýgüsi uly,
Onuň wepadarlygy baky.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

### 117-nji mezmur

1 Rebbe şükür ediň, çünki Ol ýagşy,
Onuň söýgüsi baky!
2 Goý, Ysraýyl diýsin:
«Onuň söýgüsi baky».
3 Goý, Harunyň nesli diýsin:
«Onuň söýgüsi baky».
4 Goý, Rebden gorkýanlar diýsin:
«Onuň söýgüsi baky».
5 Darygan çagymda çagyrdym
Rebbi,
Reb jogap berdi, göwnüme
saldy giňligi.
6 Reb – tarapdarym, gorkmaýaryn
men,
ynsan maňa näme edip bilsin?
7 Reb kömekçi dek tarapdarymdyr,
meni ýigrenýänlere dabaraly
seretjekdirin.
8 Ynsana bil baglandan,
Rebbi pena edinmek ýagşy.
9 Şalara bil baglandan,
Rebbi pena edinmek ýagşy.
10 Ähli milletler gurşap aldy
daşymy,
Rebbiň ady bilen serpikdirdim
olary.
11 Olar gurşap aldy meniň daşymy,
çar tarapdan gabady meni,
Rebbiň ady bilen serpikdirdim
olary.
12 Olar ary kimin meni gurşady,
ýöne ýandak ody dek söndi,
Rebbiň ady bilen serpikdirdim
olary.
13 Ýykylarym ýaly, gaty itildim,
emma Reb boldy meniň
kömegim.
14 Reb – güýjüm hem-de aýdymym,
Ol meniň Halasgärimdir.
15 Dogrularyň çadyrlarynda
şatlyk, ýeňiş nagmalary
ýaňlanýar:
«Rebbiň goly zor işleri
görkezýär!
16 Rebbiň goly belende galýar!
Rebbiň goly zor işleri
görkezýär!»
17 Men ölmerin, aman ýaşaryn
hem-de Rebbiň işlerini yglan
ederin.
18 Reb meni berk jezalandyrdy,
emma ölüme meni bermedi.
19 Açyň maňa dogrulyk
derwezelerini,
men girip, Rebbe şükür edeýin.
20 Bu – Rebbiň derwezeleri,
dogrular ondan girerler.
21 Men Saňa şükür edeýin,
çünki jogap berdiň, meni halas
eýlediň.
22 Ussalaryň ret eden daşy,
binanyň burç daşy boldy.
23 Muny Reb etdi,
bu nazarymyzda täsin saýyldy.

24 Bu – Rebbiň ýaradan güni,
geliň onda begeneli we şatlanaly.
25 Ýa Reb, ýalbarýarys, halas et bizi,
Ýa Reb, ýalbarýarys, ber
üstünligi.
26 Reb adyndan gelýän bolsun
alkyşly!
Reb öýünden siziň üçin etjek
doga-dilegi.
27 Beýik Hudaýdyr,
üstümize nur saçan Oldur.
Gurbanlyk malyny alyň,
ony gurbanlyk sypasyna daňyň.
28 Sen – meniň Hudaýym, Saňa
şükürler etjek,
Sen – meniň Hudaýym, men
Seni beýgeltjek.
29 Rebbe şükür ediň, çünki Ol ýagşy,
Onuň söýgüsi baky!

### 118-nji mezmur

*Alef*

1 Kämil ýoldan ýöreýänler,
Rebbiň kanunyna görä
ýaşaýanlar bagtlydyr!
2 Onuň düzgünlerini saklaýanlar,
tutuş kalby bilen Ony
agtarýanlar bagtlydyr!
3 Olar nähak işi etmeýär,
olar Onuň ýollaryndan ýöreýär.
4 Buýruklaryňy yhlasly berjaý
etmegi,
Sen emr etdiň.
5 Parzlaryňy berjaý ederim ýaly,
hernä üýtgemesedi meniň
ýollarym.
6 Şonda tabşyryklaryňa nazar
salanymda,
men utanmaryn.
7 Adalatly hökümleriňi öwrenen
çagym,
päk ýürekden Saňa öwgi
aýdaryn.
8 Seniň parzlaryňy berjaý ederin,
bütinleý terk etmegin meni.

*Bet*

9 Ýaş ynsan ýoluny nädip päk
saklap biler?
Ony Seniň sözüňe görä
goramak bilen.
10 Seni agtarýaryn tutuş ýüregim
bilen,
meni tabşyryklaryňdan
azaşdyrma Sen.
11 Saňa garşy günä etmäýin diýip,
Seniň wadaňy ýüregimde aýap
sakladym.
12 Ýa Reb, Saňa alkyşlar bolsun!
Maňa öwret Sen Öz parzlaryňy.
13 Agzyňdan çykan adalatly
hökümleriň baryny,
men dilim bilen yglan edýärin.
14 Seniň düzgünleriňden lezzet
alýaryn,
göýä ähli baýlyga eýe bolan ýaly
bolýaryn.
15 Buýruklaryň barada men
oýlanaryn,
Seniň ýollaryňa dykgat bererin.
16 Parzlaryňdan lezzet alaryn,
Seniň sözüňi men unutmaryn.

*Gimel*

17 Ýaşap, sözüňi saklap bilerim ýaly,
Sen bendäňe et jomartlygy.
18 Kanunyňyň ajaýyplygyny
görerim ýaly,
Sen aç meniň gözlermi.
19 Men bir gelmişek ýeriň ýüzünde,
Öz tabşyryklaryňy gizleme
menden.
20 Adalatly hökümleriňe bolan
küýsegim,
elmydama pagyş-para edýär
meniň ýüregim.
21 Sen käýeýärsiň tabşyryklaryňdan
azaşanlara:

tekepbirlere hem-de
lagnatlylara.
22 Utanç bilen betnamlygy Sen
menden aýyr,
çünki düzgünleriňi men
saklandyryn.
23 Hökümdarlar oturyp, maňa garşy
dil birikdirýär,
bendäň bolsa parzlaryň barada
oý-pikire batýar.
24 Seniň
düzgünleriň – keýpiköklügim,
olar meniň – geňeşdarlarym.

*Dalet*

25 Meniň janym gara ýere ýapyşýar,
Öz sözüňe laýyklykda maňa ber
ömri.
26 Men beýan edenimde öz
ýollarymy,
Sen maňa berdiň jogaby;
öwret maňa Öz parzlaryňy.
27 Maňa düşündir Öz düzgünleriňiň
ýoluny,
ajaýyp işleriň barada men
oýlanaýyn.
28 Gaýgy-gamdan ýaňa janym
basylýar,
Öz sözüňe laýyklykda maňa
kuwwat ber.
29 Ýalan ýollary menden uzak et,
merhemetiň bilen maňa
kanunyňy öwret.
30 Wepalylyk ýoluny men saýlap
aldym,
Seniň adalatly hökümleriňi
öňümde goýdum.
31 Ýa Reb, düzgünleriňden mäkäm
ýapyşdym,
Sen meni utanja goýma.
32 Tabşyryklaryňyň ýolundan
ylgaýaryn men,
çünki Sen kalbymyň
düşünjesini giňeltdiň.

*He*

33 Ýa Reb, parzlaryňyň ýoluny
öwret,
men ony ahyra çenli saklaryn.
34 Maňa düşünje ber kanunyňy
berjaý ederim ýaly,
ony tutuş ýüregim bilen
saklarym ýaly.
35 Tabşyryklaryňyň ýolundan Sen
meni ýöret,
çünki men ondan alýaryn lezzet.
36 Diňe öz bähbidimi aramaz ýaly,
Öz düzgünleriňe tarap öwür
ýüregimi.
37 Boş hysyrdylardan sow gözlerimi,
Öz ýollaryňda maňa ber ýaşaýyşy.
38 Özüňden gorkýanlara berdiň
wadany:
men–bendäň babatda hem
tassykla ony.
39 Menden sow gorkýan
masgaralygymy,
çünki Seniň adalatly
hökümleriň ýagşydyr.
40 Jan-tenden küýseýärin
buýruklaryňy,
Öz dogrulygyňda maňa ber
ýaşaýyşy.

*Waw*

41 Ýa Reb, Öz beren wadaňa görä,
sadyk söýgiň gelsin, halas et meni.
42 Şonda özümi ýaňsylanlara jaýdar
jogap bererin,
çünki Seniň sözüňe bil
baglaýandyryn.
43 Hakykat sözüni bütinleý alma
agzymdan,
çünki adalatly hökümleriňe
umyt baglaýandyryn.
44 Men dyngysyz, baky, ebedi
Seniň kanunyňy berjaý ederin.
45 Men Seniň buýruklaryňy
agtardym,

şonuň üçin erkanalykda gezerin.
46 Şalaryň öňünde düzgünleriňi
aýdaryn,
hiç utanmaryn.
47 Seniň tabşyryklaryňdan lezzet
alýaryn,
çünki olary men söýýändirin.
48 Tabşyryklaryňy söýüp, olara
tarap ellerimi gerýärin,
parzlaryň barada oýa batýaryn.

*Zaýin*

49 Öz bendäňe beren sözüňi ýatla,
ol arkaly umyt berensiň maňa.
50 Ol darygan günümde meniň
tesellim,
çünki Seniň wadaň maňa
ýaşaýyş berýär.
51 Tekepbirler meni köp ýaňsylaýar,
şonda-da kanunyňdan ýüz
öwürmeýän.
52 Gadymy adalatly hökümleriň
barada oýlananymda,
ýa Reb, men tapýaryn teselli.
53 Kanunyňy terk edýän erbetleri
görenimde,
gahar-gazap gurşaýar meni.
54 Gelmişek bolup ýaşan her bir
ýerimde,
Seniň parzlaryň aýdymym boldy.
55 Ýa Reb, Seni gijesine men
ýatlaýaryn,
Seniň kanunyňy berjaý edýärin.
56 Men şeýle durmuşy amal edýärin:
buýruklaryňy berjaý edýärin.

*Ḥet*

57 Reb – meniň paýym
Seniň sözüňi saklamagy men
wada etdim.
58 Tutuş kalbym bilen Saňa
ýalbarýaryn:
«Öz wadaňa görä, maňa
merhemet eýle».
59 Öz ýollarym barada oýlananymda,
gadamymy düzgünleriňe tarap
öwürdim.
60 Tabşyryklaryňy berjaý etmeklik
üçin
alňasap, olary gijikdirmedim.
61 Erbetleriň tanaplary maňa duzak
bolsa-da,
Seniň kanunyňy men
unutmadym.
62 Seniň hökümleriň adalatlydygy
üçin,
ýary gije turup, Saňa öwgi
aýdýaryn.
63 Senden gorkýanlaryň baryna,
buýruklaryňy berjaý edýänleriň
baryna
hemra bolýaryn.
64 Ýa Reb, ýeriň ýüzi sadyk
söýgiňden doly,
maňa öwret Öz parzlaryňy.

*Ṭet*

65 Ýa Reb, wadaňa görä,
Öz bendäňe etdiň Sen ýagşylygy.
66 Maňa öwret paýhas bilen bilimi,
çünki tabşyryklaryňa men iman
etdim.
67 Ejir çekmezden öň men
azaşypdym,
emma indi Seniň sözüňi berjaý
edýärin.
68 Sen ýagşysyň, edýärsiň
ýagşylyklary,
maňa öwret Öz parzlaryňy.
69 Tekepbirler maňa myjabat atýar,
men bolsa tutuş kalbym bilen
buýruklaryňy berjaý edýärin.
70 Olaryň ýürekleri daşa öwrüldi,
hiç zat duýmaýar,
men bolsa kanunyňdan lezzet
alýaryn.
71 Seniň parzlaryňy öwrenmek üçin,
ejir çekenim maňa ýagşylyk
boldy.

72 Seniň agzyňyň sözlän kanuny
maňa müňlerçe altyn-kümüşden
gowy.

*Ýod*

73 Seniň elleriň meni ýaradyp, maňa
durk berdi,
tabşyryklaryňy öwrenerim ýaly
ber düşünjäni.
74 Senden gorkýanlar meni görüp
şatlanar,
çünki Seniň sözüňe umyt
bagladym.
75 Ýa Reb, bilýärin: adyldyr Seniň
hökümleriň,
wepalylygyň sebäpli maňa ejir
çekdirdiň.
76 Öz bendäňe beren wadaňa görä,
sadyk söýgiň maňa teselli bolsun.
77 Rehim et, goý, men ýaşaýyn
çünki kanunyň – keýpiköklügim.
78 Tekepbirler, goý, utanja galsyn,
çünki olar nähak ýere şyltak
atdylar,
men bolsa buýruklaryň barada
oýa bataryn.
79 Senden gorkýanlar düzgünleriňi
bileri ýaly,
goý, olar maňa öwrülsin.
80 Utanja galmazym ýaly,
kalbym parzlaryňda, goý, kämil
bolsun.

*Kaf*

81 Halas edişiňe intizar bolup,
janym örtenýär,
men Seniň sözüňe umyt baglaýan.
82 Seniň wadaňa intizar meniň
gözlerim,
«Haçan teselli berersiň?» diýip
soraýan.
83 Tüsseden zaýalanan meşik deý
boldum,
emma Seniň parzlaryňy men
unutmadym.
84 Seniň bendäň garaşmaly haçana
çenli?
Aňtaýjylaryma haçan çykarjak
Sen hökümiňi?
85 Tekepbirler maňa çukur gazdylar,
olar Seniň kanunyňa görä
ýaşamaýarlar.
86 Seniň tabşyryklaryňyň bary
ygtybarlydyr,
maňa kömek et, olar nähak ýere
azar berýärler.
87 Olar meni tas ýok edipdi ýeriň
ýüzünden,
şonda-da buýruklaryňy men
terk etmedim.
88 Agzyňyň düzgünlerini saklap
bilerim ýaly,
Öz sadyk söýgiňde maňa ber
ýaşaýyşy.

*Lamed*

89 Ýa Reb, Seniň sözüň göklerde
baky berkarar boldy.
90 Wepalylygyň dowam edýär
nesillerboýy,
Sen dünýäni gurduň, ol hem
mäkäm dur.
91 Ähli zat şu güne çenli belleýşiň
dek dur,
çünki olar Saňa gulluk edýärler.
92 Eger kanunyň keýpiköklügim
bolmadyk bolsa,
ýok bolup giderdim
gaýgy-gamymda.
93 Asla unutmaryn buýruklaryňy,
çünki olar arkaly maňa ýaşaýyş
berdiň.
94 Men Seniňki, meni halas et,
çünki buýruklaryňa berdim
men dykgat.
95 Erbetler meni ýok etjek bolup,
bukuda ýatýar,
men bolsa düzgünleriň barada
pikire batýan.

96 Gördüm ähli kämillikleriň
çäklidigini,
emma Seniň tabşyryklaryň
çendenaşa giň.
*Mem*
97 Seniň kanunyňy juda söýýärin!
Ol uzakly gün meniň
oýlanmalarym.
98 Seniň tabşyrygyň meni
duşmandan paýhasly edýär,
çünki ol elmydama meniň
aňymda.
99 Ähli halypalarymdan paýhasly
boldum,
çünki Seniň
düzgünleriň – oýlanmalarym.
100 Ýaşulylardan-da köp
aňlaýandyryn,
çünki buýruklaryňy berjaý
edýärin.
101 Seniň sözüňi saklamak üçin,
ähli ýaman ýoldan men gaça
durdum.
102 Seniň hökümleriňden ýüz
öwürmedim,
çünki maňa Sen tälim berdiň.
103 Seniň wadaň maňa nähili süýji!
Ol agzyma baldan-da süýji!
104 Buýruklaryň arkaly boldum
paýhasly,
şonuň üçin ýigrenýärin her
ýalan ýoly.
*Nun*
105 Seniň sözüň – çyra aýaklaryma,
ol – ýagtylyk meniň ýodama.
106 Adalatly hökümleriňi berjaý
ederin diýip,
men kasam etdim we berjaý etdim.
107 Men jebir-jepalar çekdim;
Ýa Reb, Öz wadaňa görä ber
ýaşaýyşy.
108 Ýa Reb, gurbanlyk hökmünde
kabul et alkyşlarymy
hem-de öwret maňa adalatly
hökümleriňi.
109 Janym dyngysyz howp astynda
bolsa-da,
Seniň kanunyňy unutmaýaryn.
110 Erbetler maňa duzak gursa-da,
Seniň buýruklaryňdan
azaşmaýaryn.
111 Seniň düzgünleriň – baky
mirasym,
çünki olar meniň ýürek şatlygym.
112 Seniň parzlaryňy berjaý etmegi
ýüregime düwdüm baky, ahyra
çenli.
*Sameh*
113 Ikiýüzlüleri men ýigrenýärin,
Seniň kanunyňy bolsa söýýärin.
114 Sen meniň gizlenýän ýerim hem-
de galkanym,
men Seniň sözüňe umyt
baglaýaryn.
115 Eý, betkärler, menden aýrylyň,
men Hudaýymyň
tabşyryklaryny berjaý edeýin.
116 Wadaňa görä meni söýgetle, goý,
men ýaşaýyn,
öz umydymdan hiç utanmaýyn.
117 Maňa daýanç bol, halas bolaýyn,
parzlaryňa elmydama dykgat
bereýin.
118 Parzlaryňdan azaşanlary Sen ret
edýärsiň,
çünki olaryň hilesi puçdur.
119 Çöp-çör kimin taşlaýarsyň ýer
ýüzündäki ähli erbetleri,
şoňa üçin men söýýärin
düzgünleriňi.
120 Seniň wehimiňden titreýär tenim,
men gorkýaryn hökümleriňden.
*Ğaýin*
121 Adalatly we hak işleri etdim,
meni sütemkärlerimiň eline
berme.

122 Kepillendir Öz bendäňiň
abadanlygyny,
tekepbirler ezmesin meni.
123 Halas edişiňe, dogry wadaňyň
berjaý bolmagyna
meniň gözlerim intizar galdy.
124 Bendäňe sadyk söýgiňde gara,
parzlaryňy öwret Sen maňa.
125 Men Seniň bendäň, paýhas ber
maňa,
akyl ýetireýin düzgünleriňe.
126 Indi Rebbiň hereket etmeli wagty,
çünki ynsanlar bozdular Seniň
kanunyňy.
127 Men welin altyndan, sap
altyndan-da köp
söýýärin Seniň tabşyryklaryňy.
128 Dogry saýýaryn ähli
buýruklaryňy,
ýigrenýärin her ýalan ýoly.

*Pe*

129 Ajaýypdyr Seniň düzgünleriň,
şonuň üçin olary berjaý edýärin.
130 Sözleriňiň beýany ýagtylyk
berýär,
sada ynsanlara düşünje berýär.
131 Tabşyryklaryňa bolan küýsegden
ýaňa,
agzymy açamda-da, howa
ýetmeýär maňa.
132 Adyňy söýýänlere edişiň ýaly,
nazar salyp, maňa merhemet
eýle.
133 Öz wadaňa görä mäkäm et
ädimlerimi,
hiç bir ýamanlyk üstümden
höküm sürmesin.
134 Ynsan süteminden azat et meni,
men Seniň buýruklaryňy berjaý
edeýin.
135 Bendäňiň üstüne saç ýüzüň
nuruny,
maňa öwret Öz parzlaryňy.
136 Gözlerimiň ýaşy sil deýin akýar,
çünki ynsanlar kanunyňy berjaý
etmeýär.

*Tsadi*

137 Ýa Reb, Sen – dogry,
Seniň hökümleriň hem adalatly.
138 Seniň buýran düzgünleriň
adyl hem-de juda wepaly.
139 Yhlasym meni ýakyp-ýandyrýar,
çünki duşmanlarym unudýar
Seniň sözüňi.
140 Seniň wadaň örän ygtybarlydyr,
Seniň bendäň ony söýýändir.
141 Äsgerilmän, kemsidilsem-de,
unutmaýaryn buýruklaryňy.
142 Seniň dogrulygyň – baky
dogrulyk,
Seniň kanunyň hem hak.
143 Muşakgat we külpet üstüme
indi,
şonda-da tabşyryklaryňdan
lezzet alýaryn.
144 Seniň düzgünleriň dogry
asyrlarboýy,
maňa paýhas ber, goý, men
ýaşaýyn.

*Ķof*

145 Tutuş ýüregim bilen perýat
edýärin,
Ýa Reb, maňa jogap ber,
men parzlaryňy berjaý edeýin.
146 Seni çagyrýaryn, meni halas et,
düzgünleriňi berjaý edeýin.
147 Gün dogmanka turup, perýat
edýärin,
Seniň sözüňe umyt baglaýaryn.
148 Seniň wadaň barada oýlanmak
üçin,
gözlerim uzakly gijäni oýa
geçirdi.
149 Öz sadyk söýgiňe görä eşit sesimi,
ýa Reb, adalatyňa görä maňa
ber ýaşaýyşy.

150 Meni ýaman niýet bilen
yzarlaýanlar ýakyna geldi,
olar Seniň kanunyňdan
uzakdadyrlar.
151 Emma Sen ýakynsyň, ýa Reb.
Seniň tabşyryklaryň ählisi
hakdyr.
152 Bilýärdim ozaldan bäri:
Seniň düzgünleriň baky
berkarar.

*Reş*

153 Jebir-jepamy gör-de, halas et
meni,
çünki unutmaýan men kanunyňy.
154 Hakymy alyp ber, azat et meni,
wadaňa görä maňa ber ýaşaýyşy.
155 Halas bolardan uzakdyr erbetler,
çünki olar agtarmaýar Seniň
parzlaryňy.
156 Ýa Reb, ägirt Seniň rehimiň,
maňa adalatly hökümleriňe
görä ber ýaşaýyşy.
157 Meni aňtaýanlar hem-de
duşmanlarym köp,
emma şonda-da düzgünleriňden
çykýan däldirin.
158 Ýigrenç bilen garaýaryn men
dönüklere,
olar buýruklaryňy berjaý
etmeýär.
159 Gör, nähili söýýärin
buýruklaryňy!
Sadyk söýgiňe görä ber
ýaşaýyşy.
160 Ýa Reb, hakykatdyr Seniň
sözleriň!
Adalatly hökümleriňiň bary
asyrlarboýy.

*Şin*

161 Şazadalar meni nähak ýere
aňtaýar,
emma ýüregim Seniň sözüňden
gorkýar.
162 Uly hazyna edinen kimin,
Seniň wadaňa begenýärin men.
163 Ýalany ýigrenip, ony nejis
saýýaryn,
men Seniň kanunyňy söýýärin.
164 Seniň adalatly hökümleriň üçin,
günde ýedi gezek Seni
şöhratlandyrýaryn.
165 Uly abadanlyk bar kanunyňy
söýýänler üçin,
olar asla büdremez.
166 Ýa Reb, halas edişiňe umyt
baglaýaryn,
tabşyryklaryňy berjaý edýärin.
167 Kalbym berjaý edýär
düzgünleriňi,
men olary juda söýýärin.
168 Berjaý edýärin buýruklaryňy,
düzgünleriňi,
çünki meniň ähli ýollarym
mälimdir Saňa.

*Taw*

169 Ýa Reb, perýadym, goý, Saňa
ýetsin,
Öz wadaňa görä maňa düşünje ber.
170 Ýalbaryşym, goý, Saňa ýetsin,
Öz wadaňa görä meni halas et.
171 Dilim öwgüler saçar,
çünki maňa parzlaryňy öwretdiň;
172 dilim Seniň wadaňy nagma
ediner,
çünki tabşyryklaryňyň ählisi
dogry.
173 Seniň eliň maňa, goý, ýardam
bersin,
çünki tabşyryklaryňa tabyn
bolmagy men karar etdim.
174 Ýa Reb, halas edişiňi küýseýärin
men,
Seniň kanunyňdan lezzet
alýaryn.
175 Goý, köňlüm ýaşasyn, Seni
şöhratlandyrsyn,

Seniň adalatly hökümleriň
maňa, goý, kömek bersin.
176 Ýiten goýun kimin azaşdym,
gözle bendäňi,
çünki tabşyryklaryňy
unutmaýaryn.

## 119-njy mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Muşakgatly wagtym çagyrdym
Rebbi,
Ol hem maňa berdi jogaby.
2 Ýa Reb, ýalançy agyzdan,
hileli dilden halas et meni.
3 Eý, hileli dil, saňa gör-bak näme
ediler!
Onuň üstesine näme goşular?
4 Edermeniň ýiti oklary,
ojaryň ýandyryjy közleri!
5 Dat-bidat meniň halyma!
Çünki Meşekde sergezdan
boldum,
Kedar çadyrlarynda mesgen
tutmaly boldum;
6 dawa-jenjel agtarýan halkyň içinde,
uzak wagtlap mesgen tutmaly
boldum.
7 Parahatlygyň tarapdary men,
emma agzymy açan badyma,
olar eýýäm uruş-jenjele taýýar.

## 120-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Gözlerimi daga aýlaýan
maňa ýardam nireden geler?
2 Ýardam geler
ýeri, gögi ýaradan Rebden.
3 Ol seniň aýagyňy taýdyrmaz,
seni goraýan Hudaý irkilmez.
4 Seret, Ysraýyly goraýan Hudaý
ne uklar, ne-de irkiler.
5 Reb seniň Arkadagyňdyr,
Reb sagyňdaky kölegäňiňdir.
6 Günortan çagy Gün seni urmaz,
gijesine Aý zeper ýetirmez.
7 Reb seni bela-beterden gorar,
Ol seniň janyňy gorar.
8 Şindiden asyrlarboýy,
Reb gorar girişiňi hem çykyşyňy.

## 121-nji mezmur

*Dawudyň zyýarat nagmasy*

1 Maňa «Rebbiň öýüne gideli»
diýenlerinde begendim.
2 Eý, Iýerusalim!
derwezeleriňden ätledi
gadamlarymyz!
3 Iýerusalim bitewi bir şäher dek
bina edilen.
4 Ysraýyla berlen kanuna görä,
tireler, Reb tireleri
ol ýere Rebbe şükürler etmäge
gidýär.
5 Ol ýerde kazylyk tagty –
Dawut öýüniň tagty bina edilen.
6-7 «Seni söýýänler aman ýaşasyn!
Diwarlaryňyň içinde
parahatçylyk bolsun,
gala diňlerinde howpsuzlyk bolsun!»
diýip, Iýerusalimiň parahatlygy
üçin
doga-dilegler ediň.
8 Doganlarym bilen ýakynlarymyň
hatyrasyna,
«Sende rahatlyk bolsun!»
diýýärin.
9 Hudaýymyň Rebbiň öýüniň
hatyrasyna
seniň amanlygyň üçin doga
edýärin.

## 122-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Eý, göklerdäki tagtda Oturan,
gözlerimi Saňa bakan
galdyrýaryn.

2 Gullaryň öz eýeleriniň eline
bakyşy kimin,
gyrnaklaryň öz bikeleriniň
eline bakyşy kimin,
Hudaýymyz Reb bize merhemet
edýänçä,
biziň gözlerimiz Oňa dikilgi.
3 Bize merhemet et, ýa Reb, bize
merhemet et,
kemsidilmeden halys bolduk biz.
4 Bikärleriň ýaňsylaryndan,
tekepbirleriň kemsitmesinden,
halys boldy biziň janymyz.

## 123-nji mezmur

*Dawudyň zyýarat nagmasy*

1 «Eger Reb tarapdarymyz bolmadyk
bolsa, näme bolardy? –
eý, Ysraýyl, jogap ber şuňa! –
2 Reb tarapdarymyz bolmadyk bolsa,
adamlar bize garşy aýaga
galanlarynda,
3 bize garşy gaharlary ýanyp
lowlanda,
olar bizi diri ýalmap-ýuwdardy,
4 siller bizi syryp-süplärdi,
suw akymy bizi girdabyna
dolardy,
5 haýbatly suwlar üstümizden aşardy.
6 Bizi olaryň agzyna aw etmedik
Rebbe
alkyşlar bolsun!
7 Awçynyň duzagyndan
guş kimin gaçyp gutuldyk:
duzak gyryldy, biz hem gutuldyk.
8 Ýeri, gögi ýaradan Reb
kömegimizdir».

## 124-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Rebbe bil baglaýanlar Sion dagy deý:
ol sarsmaz, ol durar asyrlarboýy.
2 Daglaryň Iýerusalimi gurşaýşy ýaly,
şindiden asyrlarboýy
Reb gurşaýar Öz halkynyň
daşyny.
3 Dogrularyň ýurdunda
erbetler höküm sürmezler baky,
ýogsa dogrularyň hem
ýamanlyk etmegi ahmal.
4 Ýa Reb, Sen ýalka,
ýagşylary we päk ýüreklileri.
5 Emma Reb özleriniň egri
ýollaryna sowlanlary,
betkärler bilen bile jezalandyrar;
goý, Ysraýylda rahatlyk bolsun!

## 125-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Reb Sionyň abadanlygyny
gaýtaranda,
bu bize bir düýş kimin göründi.
2 Şonda gülküden doludy biziň
agzymyz,
şatlyk şowhunyndan – biziň
dilimiz.
Şonda milletler arasynda şeýle
diýildi:
«Reb olara beýik işleri etdi».
3 Reb bize beýik işleri etdi,
şoňa görä, biz şatlykdan doly.
4 Ýagşyň çöli gülzarlyga öwrüşi
kimin,
ýa Reb, gaýtar bize öňki
abadanlygy.
5 Gözýaş bilen ekin ekenler,
heşelle kakyp, hasyl orarlar.
6 Tohumly çuwallary aglap göterip
barýan,
desselerini göterip, şatlyk bilen
dolanar.

## 126-njy mezmur

*Süleýmanyň zyýarat nagmasy*

1 Eger öýi Reb bina etmese,
ony bina edýänleriň azaby puçdur.

Eger şäheri Reb goramasa,
garawulyň oýa durmagy puçdur.
2 Eklenmek üçin der dökmegiňiz,
ir turup, giç ýatmagyňyz puçdur.
Hawa, Ol söýýänine hatda
ýatyrka-da
rysgal berýändir.
3 Çagalar Rebden bolan mirasdyr,
ýatgynyň miwesi Ondan sylagdyr!
4 Ýaşlyk çagynyň ogullary
edermeniň elindäki peýkamlar
ýaly:
5 sagdagyny olardan dolduran bagtly!
Ol derwezede duşmany bilen
gürleşen wagty
utandyrylmaz.

## 127-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Rebden gorkýan,
Onuň ýollaryndan ýöreýän
nähili bagtly!
2 Sen öz el zähmetiňiň miwesini
iýersiň,
ýalkanarsyň, ýagşylyk seniňki
bolar.
3 Aýalyň miweli üzüm agajy deý
bolar seniň öýüňde
ogullaryň zeýtun nahallary
deý – saçagyňyň başynda
4 Rebden gorkýan, ine, şeýle ýalkanar!
5 Reb saňa Siondan ak pata berer!
Ömürboýy Iýerusalimiň
rowaçlygyny görersiň.
6 Sen ogullaryňyň ogullaryny
görersiň.
Goý, Ysraýylda rahatlyk bolsun!

## 128-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 «Maňa ýaşlygymdan bäri köp
hüjüm etdiler –
– diýip, indi Ysraýyl aýtsyn. –
2 Maňa ýaşlygymdan bäri köp
hüjüm etdiler.
Ýöne menden üstün çykmadylar.
3 Sürümçiler meniň arkamy
sürdüler,
olar uzyn keşlerini çekdiler».
4 Emma wepaly Reb
erbetleriň tanaplaryny gyryp
taşlady.
5 Siony ýigrenýänleriň ählisi
goý, utanyp, yzyna dönsün.
6 Goý, olar üçekde gögerip,
güllemänkä solýan ot kimin
bolsun.
7 Ondan orakçy gysymyny
doldurmaz,
desse bogýan gujagyny
doldurmaz.
8 «Çäjiňe bereket!
Ömrüňe bereket!» diýip, ötegçi
aýtmaz.

## 129-njy mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Ýa Reb, çuňluklardan çagyrýan
Seni.
2 Eý, Taňry, eşit sesimi,
dat-perýatlarymyň sesini
gulagyň diňlesin ünsli.
3 Ýa Reb, günäleri hasaba alsaň,
ýa Taňry, huzuryňda kim durup
biler?
4 Emma Senden gorkarlar ýaly,
Sende bardyr geçirimlilik.
5 Men Rebbe intizar, janym intizar,
men Onuň sözüne umyt
baglaýan.
6 Garawullar daňyň atmagyna
intizar,
hawa, garawullar daňyň
atmagyna intizar,
meniň janym şondan hem köp
Taňra intizar.

7 Eý, Ysraýyl, Rebbe bagla öz
umydyňy:
Reb sadyk söýgüsini görkezýär,
Ol hemişe halas etmäge taýýar.
8 Ysraýyly ähli günälerinden Ol
halas eder.

## 130-njy mezmur

*Dawudyň zyýarat nagmasy*

1 Ýa Reb, meniň ýüregimde
tekepbirlik ýok,
gözlerim hem ulumsylyk bilen
garanok,
Düşünip bilmeýän juda beýik
işlere men ulaşamok.
2 Tersine, süýtden aýrylan çagany
enäniň köşeşdirişi deý,
janyma basalyk berdim we
köşeşdirdim.
3 Eý, Ysraýyl, Rebbe bagla öz
umydyňy,
şindiden asyrlarboýy!

## 131-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Ýa Reb, ýatla Dawudy
hem-de onuň çeken jepalaryny,
2 onuň Rebbe wada berşini,
Ýakubyň Gudratly Hudaýyna
äht edişini:
3-5 «Reb üçin bir ýer,
Ýakubyň Gudratly Hudaýyna
mesgen tapýançam,
öýüme girmerin,
düşegime geçip ýatmaryn,
gözlerime uky bermerin,
gabaklarymy
ymyzgandyrmaryn».
6 Ine, Efratda Äht sandygy barada
eşitdik,
Ýegarym topragynda biz ony
tapdyk.
7 Ýörüň, Onuň mesgenine gideliň,
Onuň aýagyna ýykylyp, sežde
edeliň.
8 Galk, ýa Reb, gir Sen dynçlyk
mekanyňa
Öz güýjüňiň nyşany Äht
sandygy bilen.
9 Ruhanylaryň dogrulyk lybasyna
beslensin,
sadyklaryň, goý, şatlanyp,
nagmalar aýtsyn.
10 Guluň Dawudyň hatyrasyna,
Öz seçip-saýlanyňdan Sen ýüz
öwürme.
11 Reb Dawut bilen ygtybarly äht
baglaşdy,
Ol eden ähtinden dänmez:
«Seniň zürýatlaryňdan birini
oturdaryn seniň tagtyňda.
12 Eger zürýatlaryň berjaý etse
ähtimi
hem-de olara öwreden
düzgünlerimi,
olaryň zürýatlary hem seniň
tagtyňda
oturarlar ebedi».
13 Çünki Reb Siony seçip-saýlady,
ony Özüne mesgen etmek isledi:
14 «Bu Meniň baky dynçlyk
mekanym,
ony küýsedim: şu ýerde mesgen
tutaryn.
15 Men onuň azygyny bolelin
bereketlärin,
onuň mätäçlerini nandan
doýraryn.
16 Ruhanylaryny gutulyş lybasyna
beslärin,
onuň sadyklary şatlanyp,
nagmalar aýdar.
17 Men ol ýerde Dawudyň
kuwwatyny ösdürjek,
Öz saýlanymyň şamçyragyna
elmydama nur berjek.

18 Onuň duşmanlaryny ryswalyga
bürärin,
onuň depesindäki täç bolsa
ýalkymyn saçar».

### 132-nji mezmur

*Dawudyň zyýarat nagmasy*

1 Doganlaryň bile ýaşamaklary
gör, nähili gowy hem-de
ýakymly!
2 Bu başa guýulýan mukaddes ýag
ýalydyr,
sakgala, Harunyň sakgalyna,
onuň geýiminiň ýakasyna
syrygýan
mukaddes ýag ýalydyr!
3 Ol Sion daglaryna düşýän
Hermonyň boldan-bol çygy
kimindir.
Çünki Reb ol ýerde ýalkanyş,
baky ýaşaýyş
bolsun diýip, tabşyryk berdi.

### 133-nji mezmur

*Zyýarat nagmasy*

1 Eý, Rebbe ähli hyzmat edýänler –
gijesine Reb öýünde durýanlar,
Rebbi alkyşlaň!
2 Mukaddes öýe tarap elleriňizi
galdyryp,
Rebbi alkyşlaň.
3 Ýeri-gögi ýaradan Reb,
goý, size Siondan ak pata bersin.

### 134-nji mezmur

1-2 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Eý, Rebbe hyzmat edýänler,
Rebbiň adyny şöhratlandyryň!
Eý, Rebbiň öýünde,
Hudaýymyzyň
öýüniň howlusynda hyzmat
edýänler,
Rebbi şöhratlandyryň!
3 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Çünki Reb ýagşy.
Onuň adyna nagmalar aýdyň,
çünki bu örän lezzetli.
4 Çünki Reb Özi üçin Ýakup
neslini,
Öz genji hökmünde Ysraýyly
seçip-saýlady.
5 Men bilýärin Rebbiň beýikdigini,
Taňrymyzyň ähli taňrylardan
üstündigini.
6 Göklerde, ýeriň ýüzünde,
deňizlerde, bar çuňluklarda
Reb Öz göwnüniň islän zadyny
edýär.
7 Ol ýeriň uçlaryndan bulutlary
turuzýar,
ýagyş üçin ýyldyrymlar
çakdyrýar,
Öz ammarlaryndan ýeli çykarýar.
8 Ol Müsürde ynsanlaryň we
haýwanlaryň
ilkinji doglanlaryny öldürdi.
9 Eý, Müsür, Ol seniň içiňe –
faraonyň, ähli hyzmatkärleriniň
üstüne
alamatlary, mugjyzalary
ýollady.
10 Ol köp milletleri gyrdy,
güýçli patyşalary öldürdi:
11 amorlaryň patyşasy Sihony,
başanlaryň patyşasy Ogy
we ähli Kengan şalyklaryny.
12 Olaryň topragyny miras
hökmünde,
saýlama mülk hökmünde Öz
ysraýyl halkyna berdi.
13 Ýa Reb, Seniň adyň ebedi,
ýa Reb, Sen ýatlanarsyň
asyrlarboýy.
14 Reb Öz halkyny hakly çykarar,
Öz bendelerine rehim-şepagat
eder.

15 Milletleriň butlary
kümüş-tylladyr,
olar ynsan elleriniň işidir.
16 Olaryň agzy bar, ýöne gürlänok,
gözleri bar, ýöne görenok.
17 Gulaklary bar, ýöne eşidenok,
agyzlarynda hiç bir dem hem
ýok.
18 Şolar dek bolar butlary ýasanlar,
olara bil baglan ähli ynsanlar.
19 Eý, Ysraýyl nesli, Rebbi alkyşlaň,
eý, Harun nesli, Rebbi alkyşlaň.
20 Eý, Lewi nesli, Rebbi alkyşlaň,
eý, Rebden gorkýanlar, Rebbi
alkyşlaň.
21 Iýerusalimde mesgen tutan Rebbe
Siondan alkyşlar bolsun!
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

### 135-nji mezmur

1 Rebbe şükür ediň, çünki Ol ýagşy,
Onuň söýgüsi baky.
2 Hudaýlar Hudaýyna şükür ediň,
Onuň söýgüsi baky.
3 Taňrylar Taňrysyna şükür ediň,
Onuň söýgüsi baky.
4 Beýik gudratlary edýän diňe
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
5 Gökleri paýhas bilen ýaradan
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
6 Ýeri suwlaryň üstüne ýazan hem
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
7 Uly yşyklary ýaradan Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
8 Gündiz höküm sürer ýaly Güni
ýaradan Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
9 Gije höküm sürer ýaly Aýy,
ýyldyzlary ýaradan Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
10 Müsüriň nowbaharlaryny öldüren
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
11-12 Güýçli eli, uzadan goly bilen,
ysraýyllary Müsürden çykaran
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
13 Gyzyl deňzi ikä bölen Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
14 Ysraýyllary onuň ortasyndan
geçiren Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
15 Faraony, goşunyny Gyzyl
deňizde
derbi-dagyn eden-de Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
16 Öz halkyna çölde ýol görkezen
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
17 Beýik patyşalary öldüren Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
18 Kuwwatly patyşalary ýok eden
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
19 Amorlaryň patyşasy Sihony ýok
eden Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
20 Başanyň patyşasy Ogy ýok eden
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
21 Olaryň topragyny miras
hökmünde beren Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
22 Olaryň topragyny miras
hökmünde Ysraýyla –
Rebbe hyzmat edýän halka
beren-de Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
23 Pes günümizde bizi ýatlan Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
24 Duşmanlarymyzdan bizi halas
eden Oldur,
Onuň söýgüsi baky.

[25] Ähli janly-jandara iýmit berýän
Oldur,
Onuň söýgüsi baky.
[26] Gögüň Hudaýyna şükür ediň,
Onuň söýgüsi baky.

**136-njy mezmur**

[1] Babyl suwlarynyň boýunda
oturyp,
Siony ýatlan wagtymyz gözýaş
döküpdik.
[2] Şol ýerdäki derek agaçlaryndan
öz liralarymyzy [a] asyp
goýupdyk.
[3] Bizi ýesir alanlar şol ýerde nagma
talap etdiler,
bize ezýet berenler şadyýanlygy
talap etdiler.
«Bize Sion nagmalaryndan
birini aýdyň» diýdiler.
[4] «Ýat toprakda neneň edip
Rebbiň nagmasyny aýdaly?!»
[5] Eý, Iýerusalim, eger seni
unutsam,
goý, elim hünärini unutsyn.
[6] Eger seni ýada salmasam,
Iýerusalim şatlygymyň seresidir
diýmesem,
goý, dilim damagyma
ýapyşsyn!
[7] Ýa Reb, Iýerusalimiň ýykylan
güni:
«Ony ýumruň, ony ýumruň
düýbüne çenli!»
diýen edomlary Sen ýadyňa sal!
[8] Eý, Babyl gyzy, eý, weýran
bolmuş,
seniň bize edenleriňi gaýtarjak
nähili bagtly!
[9] Seniň balalaryňy daşa urjak
nähili bagtly!

**137-nji mezmur**

*Dawudyň mezmury*

[1] Ýa Reb, tüýs ýürekden Saňa
şükür ederin,
ylahy barlyklar öňünde Saňa
nagma aýdaryn.
[2] Mukaddes ybadathanaňyň
öňünde sežde ederin,
Saňa söýgiň, wepadarlygyň
üçin şükür ederin.
Çünki Sen Öz adyňy hem-de sözüňi
ähli zatdan beýgeltdiň.
[3] Çagyran günümde Sen jogap berdiň,
janymy güýç bilen
kuwwatlandyrdyň.
[4] Ýa Reb, ýer ýüzüniň ähli şalary
Saňa şükür edýärler,
çünki eşitdiler agzyňdan çykan
sözleri.
[5] Olar Rebbiň ýollary barada
nagma aýdarlar,
çünki Rebbiň şöhraty beýik.
[6] Reb beýik bolsa hem, pespällere
nazaryn salýar,
emma tekepbirleri uzak ýerden
saýgarýar.
[7] Muşakgat içinde gezsem-de, meni
aman saklaýaň,
duşmanlaryma garşy Öz eliňi
uzadýaň.
Seniň goluň meni halas eýleýär.
[8] Reb meniň arymy alar;
ýa Reb, Seniň söýgiň ebedi galar,
Öz elleriňiň işini Sen terk eýleme.

**138-nji mezmur**

*Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysy-
na. Dawudyň mezmury.*

[1] Ýa Reb, meni synaýarsyň we
tanaýarsyň!

---

[a] **136:2** ***Lira*** – kirişli saz guraly. Sözlüge seret.

[2] Oturyp-turşumy Özüň bilýärsiň,
pikirlerimi uzaklardan
aňýarsyň.
[3] Ýöreýşimi, ýatyşymy
yzarlaýarsyň,
meniň ähli ýollarymy Sen
tanaýarsyň.
[4] Heniz agzymdan bir söz
çykmanka,
ýa Reb, Sen ony eýýäm doly
bilýärsiň.
[5] Yzymdan, öňümden Sen
gurşaýarsyň,
Sen üstüme Öz eliňi goýýarsyň.
[6] Muny bilmek meniň üçin juda
ajaýyp,
ol belent, men ony aňyp
bilemok.
[7] Seniň Ruhuňdan nirä gideýin?!
Seniň huzuryňdan nirä
gaçaýyn?!
[8] Göklere galsam, ol ýerde Sen bar!
Ölüler dünýäsine insem,
ol ýerde Sen bar!
[9] Säheriň ganatlaryna münüp,
deňziň iň uzak ýerinde çadyr
gurunsam,
[10] hatda ol ýerde-de eliň ýol
görkezer maňa.
Seniň goluň meni söýgetlär.
[11] Diýsem: «Goý, tümlük meni
büresin,
meni gurşan ýagtylyk gijä
öwrülsin».
[12] Seniň üçin tümlük garaňky
däldir!
Gije hem gündiz ýaly ýagtydyr,
Seniň bilen tümlük-de ýagtylyk
deýdir.
[13] Sen meniň içgoşlarymy
ýaratdyň,
enem göwresindekäm Sen şekil
berdiň.
[14] Men Saňa öwgi aýdýaryn,
çünki meni ajaýyp, täsin
ýaratdyň.
Ajaýypdyr Seniň işleriň,
muny juda oňat bilýändir
kalbym.
[15] Pynhanlykda ýaradylan mahalym,
ýeriň çuňluklarynda emele
gelen mahalym,
Senden gizlin däldi meniň
süňklerim.
[16] Heniz şekilsizkäm meni gözleriň
gördi,
maňa bellenilen günleriň hiç
biri heniz gelmänkä,
olaryň her biri Seniň kitabyňda
eýýäm ýazylgy.
[17] Eý, Hudaý, pikirleriň maňa nähili
eziz!
Olaryň san-sajagy ýok!
[18] Eger sanaýyn diýsem, olaryň
sany çägeden-de köp,
olary sanap bilsedim, Sen dek
ýaşardym uzak.
[19] Eý, Hudaý, erbet adamlary Sen
ýok etsediň!
Eý, ganhorlar, aýrylyň menden!
[20] Olar Sen barada betpällik bilen
gürleýär,
duşmanlaryň adyňy ýerliksiz
ýere agzaýar.
[21] Ýa Reb, Seni ýigrenýänleri men
ýigrenýärin,
Saňa garşy baş galdyrýanlary
nejis saýýaryn.
[22] Olary bütinleý men ýigrenýärin,
men olary duşman saýýaryn.
[23] Eý, Hudaý, meni barla-da,
ýüregimi bil!
meni syna-da, pikirlerimi bil!
[24] Gör, men erbet ýoldan barýan
bolmaýyn,
ebedilik ýoluna meni ugrukdyr.

## 139-njy mezmur

1 *Aýdymçylar toparynyň ýolbaşçysyna.*
*Dawudyň mezmury.*
2 Ýa Reb, ýamanlardan meni halas et,
zalym adamlardan meni penala.
3 Olar betniýetleri ýüregine düwýär,
olar dyngysyz uruş turuzýar.
4 Olar ýylan ýaly dillerini ýiteldýär,
agyzlarynda ýylan zäheri bardyr.
5 Ýa Reb, meni erbediň elinden sakla
hem-de zalym adamdan gora.
Olar aýagyma badak atmak
isleýär.
6 Tekepbirler maňa gizlin duzak
goýdular,
torlarynyň ýüplerini ýazyp
goýdular,
ýoluň gyrasynda meniň üçin
gapan gurdular. *Sela*
7 Rebbe diýdim: «Meniň Hudaýym
Sensiň,
ýa Reb, dady-perýadymyň
sesini eşit.
8 Eý, Hökmürowan Reb, güýçli
Halasgärimsiň
söweş güni başymy Sen
gorandyrsyň.
9 Ýa Reb, erbet adamy myradyna
ýetirme,
onuň betniýetleri berjaý
bolmasyn,
ol beýgelmesin!» *Sela*
10 Meni gabanlaryň agzyndan çykan
gargyşlar,
goý, olaryň öz başlaryndan
insin.
11 Olaryň üstüne köýdüriji közler
dökülsin,
goý, olar oda, çuň gorpa düşsün,
goý, olar asla çykyp bilmesin.
12 Töhmetçiler ýurtda, goý,
ornaşmasyn,
betbagtlyk zalym adamy, goý,
aw edinsin.
13 Bilýärin: Reb ezilenleriň işine
garar,
mätäçlere adalatly karar çykarar.
14 Dogrular Seniň adyňa şükür
ederler,
dogry ynsanlar huzuryňda
mesgen tutarlar.

## 140-njy mezmur

*Dawudyň mezmury*
1 Ýa Reb, Seni çagyrýaryn, tiz
dadyma ýetiş
dat-perýadymyň sesini eşit!
2 Huzuryňda dogam saýylsyn
hoşboý tüsse deý,
ellerimi galdyryşym – agşam
gurbanlygy deý.
3 Ýa Reb, garawul goý meniň
agzyma,
meniň dilimi gora.
4 Ýüregim ýamanlyga ýykgyn
bolmasyn,
günä edýän adamlar bilen erbet
işleri etmäýin,
olaryň näz-nygmatlaryndan asla
datmaýyn.
5 Goý, dogry ynsan meni ursun, bu
ýagşylykdyr,
goý, maňa ol käýesin, bu
başyma ýakymly ýag
kimindir,
meniň başym ony, goý, ret
etmesin.
Dogrudan-da, erbetleriň işlerine
garşy dileg edýärin.
6 Olaryň baştutanlary gaýadan aşak
zyňlanda,
meniň sözlerimi eşider, çünki
olar ýakymly.
7 Biriniň ýer sürende topragy
agdarşy ýaly,

biziň-de süňklerimiz ölüler
dünýäsiniň agzynda çaşar.
8 Meniň gözlerim Saňa dikilgi, ýa
Hökmürowan Reb!
Seni pena edinýärin, meni
goragsyz goýma!
9 Meni gora olaryň duzaklaryndan
hem-de
betkärleriň – gapanlaryndan.
10 Goý, erbetler öz torlaryna
düşsün,
men bolsa sag-aman geçip
gideýin.

### 141-nji mezmur

*Dawudyň maskili, gowakdaka aýdan dogasy*

1 Men gaty ses bilen Rebbe perýat
edýärin,
gaty ses bilen Rebbe men
ýalbarýaryn.
2 Onuň öňüne arz-halymy dökýärin,
Onuň öňünde gaýgylarymy
beýan edýärin.
3 Ruhum tapdan düşen mahaly,
Sen bilýänsiň meniň ýolumy!
Ýöreýän ýodamda maňa duzak
gurdular.
4 Sagyma bak-da, gör:
hiç kim maňa hormat goýmaýar,
maňa indi gaçalga-da ýok,
hiç kim janymyň gaýgysyny
etmeýär.
5 Ýa Reb, Saňa perýat edýärin,
diýýärin: «Sen – meniň penam,
diriler diýarynda – meniň
nesibäm».
6 Meniň perýadyma dykgat ber,
çünki gaty peselendirin.
Aňtaýanlardan meni halas et,
çünki olar menden güýçlüdir!
7 Zyndandan azat et meni,
adyňa şükür edeýin!
Ýa Reb! Maňa jomartlyk edeniň
üçin,
dogrular meni gurşarlar.

### 142-nji mezmur

*Dawudyň mezmury*

1 Ýa Reb, dogamy eşit,
dady-perýadyma gulak goý;
Öz sadyklygyňda we
dogrulygyňda,
maňa jogap ber!
2 Öz bendäň bilen dawa girişme,
çünki dirileriň hiç biri
Seniň öňüňde aýypsyz çykmaz.
3 Duşmanlar aňtaýar meniň
janymy,
ýer bilen ýegsan etdiler
ýaşaýşymy,
gadymyýetde ölenler kimin,
olar tümlükde oturtdy meni.
4 Şoňa görä, ruhum sustlandy,
meniň ýüregim sarsdy.
5 Gadymky günleri ýada salýaryn,
Seniň ähli edenleriň barada oýa
batýaryn,
Seniň elleriňiň işi barada pikir
edýärin.
6 Saňa tarap ellerimi gerýärin.
Janym gurak toprak deý Saňa
teşnedir. *Sela*
7 Ýa Reb, maňa tizräk jogap
beräý-dä!
Meniň ruhum ysgyndan düşýär!
Gabra inýänlere meňzemez ýaly,
menden gizleme Sen Öz ýüzüňi.
8 Ertirlerine maňa duýdur sadyk
söýgiňi,
çünki Saňa baglaýan bili.
Maňa bildir ýöremeli ýolumy,
çünki men Saňa intizardyryn.
9 Ýa Reb, duşmanlarymdan halas et
meni,
men Seni pena edinýändirin!

10 Maňa Öz yradaňy berjaý etmegi
öwret,
çünki meniň Hudaýym Sensiň!
Seniň ýagşy Ruhuň
düz ýoldan meni äkitsin!
11 Ýa Reb, Öz adyň hatyrasyna,
gora Sen ýaşaýşymy!
Öz dogrulygyňyň hatyrasyna,
muşakgatdan halas eýle
janymy!
12 Öz sadyk söýgiňiň hatyrasyna,
meniň duşmanlarymy heläk
edersiň;
janyma ezýet berýänleriň baryny
weýran edersiň,
çünki men Seniň bendäňdirin.

**143-nji mezmur**

*Dawudyň mezmury*

1 Meniň ellerime uruşmagy,
barmaklaryma söweşmegi
öwredýän
gaýam Rebbe alkyşlar bolsun!
2 Ol meniň sadyk söýgimdir,
meniň galam, berkitmäm,
Halasgärimdir,
meniň galkanym, Penakärimdir.
Ol halklary [a] maňa tabyn
edýändir.
3 Ýa Reb, ynsan kimmişin,
Sen onuň aladasyny ederiň
ýaly?
Ynsan ogly kimmişin,
Sen onuň pikirini ederiň ýaly?
4 Ynsan bir dem kimindir,
onuň ömri geçip barýan kölege
deýdir.
5 Ýa Reb, Öz gökleriňi ýar we
aşaga in,
daglara el degir, goý, tütesinler!
6 Ýyldyrymlar çakdyr, pytrat olary,
peýkamlaryňy ýagdyr, dargat
olary!
7 Beýiklikden uzat eliňi,
haýbatly suwlardan,
kesekilerden
azat et, halas et meni.
8 Olaryň agzy ýalan sözleýär,
olar ýalan kasam üçin sag elini
galdyrýar.
9 Eý, Hudaý, Saňa täze nagma
aýdaryn,
on kirişli guralda Saňa mukam
çalaryn.
10 Sensiň şalara ýeňişler berýän,
bendäň Dawudy zalym
gylyçdan azat eýleýän.
11 Meni azat et,
kesekileriň elinden halas et
meni.
Olaryň agzy ýalan sözleýär,
ýalan kasam üçin olar sag elini
galdyrýar.
12 Ogullarymyz ýaş çagynda,
ösümlik deý pajarlap össün.
Gyzlarymyz köşgüň
haşamlanan sütünleri deý
bolsun.
13 Ammarlarymyz dürli
azyk-owkatlardan,
goý, dolup-daşsyn.
Goýunlarymyz örülerde
müňlerçe, on müňlerçe bolup
örňesin.
14 Sygyrlarymyzyň höwri köp
bolsun,
duşman gala diwaryny, goý,
böwüsmesin;
olar bizi ýesirlige almasyn,
köçelerimizde ahy-nalyş
bolmasyn!
15 Şeýle ýalkanan halk nähili bagtly!

[a] **143:2** ***Halklary*** – käbir golýazmalarda *meniň halkymy.*

Hudaýy Reb bolan halk nähili
bagtly!

## 144-nji mezmur

*Dawudyň Rebbi şöhratlandyrmak üçin aýdan mezmury*

1 Eý, Hudaýym, meniň Patyşam!
Men Seni beýgelderin,
Seniň adyňa ebedi we baky
alkyş aýdaryn.
2 Saňa her gün alkyş aýdaryn,
adyňy ebedi we baky
şöhratlandyraryn.
3 Reb beýik, Ol çensiz öwgä
mynasyp,
Onuň beýikligi ynsan aňyna
sygmaz.
4 Seniň işleriň nesilerboýy taryp
ediler,
Seniň gudratly işleriň hem
yglan ediler.
5 Seniň belentligiňiň şanly şöwketi,
ajaýyp işleriň barada men
oýlanaryn.
6 Olar haýbatly işleriň gudratyndan
gürrüň bererler,
men hem Seniň beýikdigiňi
yglan ederin.
7 Seniň bolelin ýagşylygyň
dabarasyny beýan ederler,
Seniň dogrulygyň barada
nagma aýdarlar.
8 Reb merhemetli hem rehimli,
giň göwünli, sadyk söýgä
baýdyr.
9 Reb hemmeler üçin ýagşydyr,
Ol ähli ýaradanlaryna
merhemet edýär.
10 Ýa Reb, ähli işleriň Saňa şükür
ederler,
ähli sadyklaryň Saňa alkyş
aýdarlar.
11-12 Seniň şalygyňyň şanly
şöwketini,
gudratly işleriňi ynsanlara
bildirmek üçin,
olar Seniň şalygyňyň şöhratyny
aýdarlar,
Seniň gudratyňdan gürrüň
bererler.
13 Seniň şalygyň – müdimi şalyk,
hökümdarlygyň – nesillerboýy.
Reb ähli sözlerinde wepadar,
Ol ähli işlerinde rehimdar[a].
14 Reb söýgetleýär ähli ýykylanlary,
Ol dikeldýär ähli bükülenleri.
15 Hemmäniň gözleri Saňa umyt
bilen garaýar,
Sen öz wagtynda olaryň
ryskyny berýärsiň.
16 Sen eliňi açýarsyň,
ähli jandarlara islän zadyny
berýärsiň.
17 Reb ähli ýollarynda dogrudyr,
Ol ähli işlerinde
rehim-şepagatlydyr.
18 Reb Özüni çagyrýanlaryň
hemmesine,
Özüni çyndan çagyrýanlaryň
hemmesine ýakyndyr.
19 Ol Özünden gorkýanlary
myradyna ýetirýär,
olaryň nalyşyny eşidýär we
halas edýär.
20 Reb Özüni söýýänleriň ählisini
goraýar,
emma erbetleriň baryny Ol
heläk eder.
21 Meniň agzym Rebbe öwgüler
aýdar,

[a] **144:13** ***Reb ähli sözlerinde wepadar, Ol ähli işlerinde rehimdar*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok.

janly-jandarlaryň bary
asyrlarboýy
mukaddes adyna alkyşlar aýdar!

**145-nji mezmur**

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Rebbi şöhratlandyr, eý, meniň
janym!
2 Men ömürboýy Rebbi
şöhratlandyraryn,
demim barka Hudaýyma nagma
aýdaryn.
3 Şazadalara, ynsan ogluna hiç bil
baglamaň,
çünki olar halas etmeýär.
4 Olaryň jany çykyp, topraga
gaýdyp baranda,
şol günüň özünde niýetleri puç
bolýar.
5 Neneň bagtly Ýakubyň Hudaýyna
daýanýan,
onuň Hudaýy Rebbe umyt
baglaýan!
6 Ýeri, gögi, deňzi
we olardaky ähli janly-
-jandarlary ýaradan Oldur,
sadyklygy ebedi saklaýan Oldur.
7 Ol ezilenleriň hakyny alyp
berýändir,
açlara nan berýän Oldur,
Reb ýesirleri boşadýar.
8 Reb körleriň gözüni açýar,
Reb bükülenleri dikeldýär,
Reb dogry ynsanlary söýýär.
9 Reb gelmişekleri gözden
salmaýar,
dul hatynlary, ýetimleri goldaýar,
emma erbetleriň ýoluny weýran
edýändir.
10 Reb höküm sürer ebedi,
eý, Sion, seniň
Hudaýyň – nesillerboýy.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

**146-njy mezmur**

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Çünki Hudaýymyzy nagma
bilen öwmek ýagşydyr,
lezzetlidir, Ol öwgülere
laýykdyr.
2 Reb Iýerusalimi bina eýleýär,
Ysraýylyň pytranlaryny jemleýär.
3 Göwni synyklara Ol şypa berýär,
olaryň ýaralaryny daňýar.
4 Ýyldyzlaryň sanyny Ol hasaplaýar,
olaryň ählisini Ol atlandyrýar.
5 Rebbimiz beýikdir, kuwwaty
köpdür,
paýhasynyň hiç çägi ýokdur.
6 Reb pespälleri galdyrýar,
Ol erbetleri ýere pylçaýar.
7 Rebbe şükür nagmalaryny aýdyň,
Hudaýymyza lirada mukamlar
çalyň!
8 Ol gökleri bulutlara büreýär,
toprak üçin ýagyşlary taýynlap
goýýar,
baýyrlarda gök otlary gögerdýär.
9 Ol haýwanlara,
jüýgüldeşýän garga çagalaryna
olaryň ryskyny berýär.
10 Ol ne bedewiň güýjünden
wagtyhoş bolýar,
ne-de urşujynyň aýagyndan
keýpi çag bolýar.
11 Reb Özünden gorkýanlardan,
Onuň sadyk söýgüsine umyt
baglaýanlardan,
keýpi çag bolýar.

**147-nji mezmur**

1 Eý, Iýerusalim, Rebbe öwgi aýt!
Eý, Sion, Hudaýyňa şan-şöhrat
bolsun!
2 Çünki Ol derwezeleriňiň
kiltlerini berkidýär,

galadaky çagalaryňa ak pata
berýär.
3 Çäkleriňde parahatlygy berkarar
edýär,
saýlama bugdaýdan seni
doýurýar.
4 Ol buýruklaryny ýere gönderýär,
Onuň sözi tizlik bilen ýaýraýar.
5 Gar ýagdyryp, ýeri ak ýorgana
büreýär,
kül kimin gyrawy Ol sepeleýär.
6 Buzlaryny parçalap, ýere taşlaýar,
Rebbiň aýazyna döz geljek
barmy?
7 Ol buýurýar, buzlar ereýär,
ýel ösdürip, suwlar akdyrýar.
8 Ol Ýakup halkyna yglan edýär
sözüni,
Ysraýyla – parzlaryny we
hökümlerini.
9 Reb başga hiç millete şeýle
etmeýär,
olar Onuň adalatly hökümlerini
bilmeýär.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

## 148-nji mezmur

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Göklerden Rebbi
şöhratlandyryň,
belentliklerde Ony
şöhratlandyryň!
2 Eý, ähli perişdeleri, Ony
şöhratlandyryň!
Eý, ähli gögüň goşunlary, Ony
şöhratlandyryň!
3 Eý, Aý we Gün, Ony
şöhratlandyryň!
Eý, ähli nurly ýyldyzlar, Ony
şöhratlandyryň!
4 Eý, gökleriň gökleri,
eý, gökleriň üstündäki suwlar,
Ony şöhratlandyryň!
5 Goý, olar Rebbi şöhratlandyrsyn!
Çünki Ol buýurdy, olar emele
geldi.
6 Reb olary baky, müdimi berkarar
etdi,
hiç üýtgemejek bir parzy berdi.
7 Eý, zeminde ýaşaýanlar, Rebbi
şöhratlandyryň:
eý, deňiz läheňleri, çuňluklaryň
ählisi,
8 eý, ot we doly, gar we duman,
Onuň sözüni berjaý edýän
tupan ýelleri,
9 eý, daglar we baýyrlaryň ählisi,
miweli agaçlar, kedr
daragtlaryň ählisi,
10 eý, haýwanlar we ähli mal-gara
süýrenijiler we guşlar,
11 eý, ýer ýüzüniň şalary, ähli
halklary,
şazadalar, dünýäniň ähli
hökümdarlary,
12 eý, ýaş gyzlar hem-de ýigitler,
ýaşulular hem-de çagalar.
13 Goý, olar Rebbiň adyny
şöhratlandyrsyn,
çünki diňe Onuň ady
beýgeldilendir,
Onuň şan-şöhraty ýerden-
gökden belentdir.
14 Ol Öz halkynyň kuwwatyny
artdyrdy,
şoňa görä, eý, Onuň ähli
sadyklary,
Oňa ýakyn bolan ysraýyl halky,
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

## 149-njy mezmur

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Rebbe täze nagma aýdyň,
sadyklar jemagatynda Oňa
öwgüler aýdyň!
2 Ysraýyl Ýaradanyna şatlansyn!

Sion perzentleri Şasyna, goý,
begensin!
3 Olar tans edip, Ony
şöhratlandyrsyn,
deprekde, lirada Oňa mukamlar
çalsyn!
4 Çünki Reb Öz halkyndan
göwnühoş bolýar,
Ol pespälleri gutulyşa besleýär.
5 Sadyklar aklanyp, goý,
beýgelsinler,
düşeklerinde şatlanyp, nagma
aýtsynlar.
6 Dillerinde Hudaýa öwgüler
bolsun,
ellerinde ikiýüzli gylyçlar
bolsun.
7 Olar milletlerden, goý, öç
alsynlar,
halklara jeza bersinler.
8 Patyşalaryny zynjyrlasynlar,
asylzadalaryna gandal ursunlar.
9 Olar babatda ýazylan hökümi
berjaý etsinler!
Munuň özi sadyklaryň bary
üçin hormatdyr.
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

**150-nji mezmur**

1 Rebbe şan-şöhrat bolsun!
Ony mukaddes öýünde
şöhratlandyryň,
Ony kuwwatly göklerinde
şöhratlandyryň!
2 Ony gudratly işleri üçin
şöhratlandyryň,
Onuň ajaýyp belentligine laýyk
şöhratlandyryň!
3 Ony surnaýlaryň sesi bilen
şöhratlandyryň,
arfada we lirada
şöhratlandyryň!
4 Deprek kakyp, tans edip,
şöhratlandyryň,
kirişli gural, tüýdük çalyp,
şöhratlandyryň!
5 Ony owazly kimwallar bilen
şöhratlandyryň,
Ony belent owazly kimwallar
bilen şöhratlandyryň!
6 Burnunda dirilik nepesi
bolanlaryň bary,
Rebbi şöhratlandyrsyn!
Rebbe şan-şöhrat bolsun!

# Süleýmanyň pähimleri

## Giriş

*Süleýmanyň pähimleri* tymsallar we pähimler görnüşinde berlen ahlak we dini taglymatlar ýygyndysyndan ybaratdyr. Bularyň köpüsi gündelik durmuşy meselelerine degişlidir. Şeýle pähimleriň birinde: «Rebden gorkmaklyk – bilimiň başlangyjy» diýip aýdylýar. Kitapda diňe bir dini, ahlak meseleleri hakynda däl, eýsem sagdyn pikirli we oňat häsiýetli bolmak hakynda-da öwüt-nesihatlar berilýär. Gadymyýetdäki ysraýyl mugallymlarynyň köp sanly gysga tymsallary dana adamlaryň dürli ýagdaýlarda näme etmelidigini öwredýärler. Olaryň käbirleri maşgala gatnaşyklary hakynda bolsa, käbirleri iş meselelerine degişlidir. Käbirleri jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýerlikli häsiýetleriň zerurdygyny, başgalary bolsa durnukly bolmagyň zerurdygyny nygtaýar. Pes göwünlilik, sabyr-takatlylyk, garyplara hormat goýmak, dostlaryňa wepaly bolmak ýaly häsiýetler barada hem köp agzalýar.

Ýewreý *pähimleri* we *tymsallary* türkmen *pähimlerinden* we *tymsallaryndan* tapawutlanýandyr. Ýewreý dilinden terjime edilen *pähim* sözi *pygamberlik aýanlygy* (Çölde 23:7) ýa-da *tymsal* (Ezekiýel (Kifl) pygamberiň kitaby 17:2) bolup bilýär. Ýewreý dilinde «pähim» sözüniň manysy türkmençä garanyňda has giňdir. Şonuň üçin-de, ýewreý pähimleri tutuş parçalar görnüşinde duş gelýär.

*«Süleýmanyň pähimleri»* kitabyndaky pähimler we tymsallar diňe Süleýman tarapyndan ýazylan däldir. Olaryň käbirleri «Atalar sözi» (22:17) bolsa, käbirleri Aguryň (30:1) we patyşa Lemuwalyň (31:1) tymsallarydyr. Ýöne kitabyň esasy bölegini Süleýmanyň pähimleri tutup (10:1 – 25:1), olar Ýahuda patyşasy Hizkiýanyň emeldarlary tarapyndan toplanandyr.

Kitapda köp meňzetmeler ulanylandyr. Olaryň käbiri diňe ýewreý diline mahsus bolup, türkmen dilinde hiç manyny bermeýär. Şonuň üçin-de, şeýle meňzetmeler türkmen okyjysyna düşnükli bolan türkmen meňzetmeleri bilen terjime edildi. Bu hakda goşmaça maglumat isleseňiz, çykgytlara serediň. Käbir adalgalary türkmen diline terjime etmek kyn boldy. *Danalyk* sözi we onuň sinonimleri juda köp duşýar. Şonuň üçin hem bularda aram yzygiderlilik saklanyldy. Şeýle hem *akylly-akmak* we *dogry-ýaramaz* ýaly gapma-garşylykly manydaky sözlerde mümkin boldugyça yzygiderlilik saklanyldy.

***Mazmuny***


Danalygyň şanyna aýdylýan öwgüler ............................................ *1:1–9:18*
Süleýman pygamberiň pähimleri.............................................. *10:1–29:27*
Aguryň sözleri ..........................................................................*30:1-33*
Dürli pähimler ..........................................................................*31:1-31*


---

**1-nji bap**

1 *Ysraýyl patyşasy, Dawut ogly*
*Süleýmanyň pähimleri.*

2 Bu pähimler danalygy we öwüt-
-nesihaty bilmek,
paýhasly sözleriň manysyna
düşünmek üçindir.

3 Parasatly hem-de dogruçyl
bolmak,
adyllyk we deňlik, öwüt-
-nesihaty özleşdirmek,

4 sadalara paýhas,
ýaşlara bilim we akyl bermek
üçindir.

5-6 Bu pähimlere hem tymsallara,
atalar sözlerine we matallaryna
düşünmek üçindir.
Akyldarlar bulary eşidip, bilimini
artdyrsyn,
düşbi adamlar sagdyn maslahat
alsyn.

7 Bilimiň başlangyjy – Rebden
gorkmaklyk;
diňe akmaklar danalygy hem
öwüt-nesihaty har edýärler.

8 Diňle, oglum, ataňyň nesihatlaryny,
eneňiň öwütlerinden ýüz
öwürme.

9 Ol seniň başyňa ajaýyp täç,
boýnuňa monjuk bolar.

10 Eý, oglum, seni günäkärler
azdyrjak bolsa ylalaşma.

11 Eger olar: «Biziň bilen ýör.
Gan dökmek üçin bukuda
garaşaly,
sebäpsiz ýere bigünäni öldüreli.

12 Olary ölüler dünýäsi ýaly diriligine,
gabra inenler deý tutuşlaýyn
ýuwudalyň.

13 Her hili baýlyk taparys,
öýümizi oljadan doldurarys.

14 Ählimiz üçin horjun bir bolsun,
aramyzda şärikligimiz deň
bolsun» diýseler,

15 eý, oglum, olar bilen bir ýoldan
ýöreme,
olaryň ýol-ýodasyna gadam urma.

16 Çünki olar şere kowalaşýarlar,
gan dökmäge howlugýarlar.

17-18 Guşuň gözüniň öňünde oňa tor
gurmak puçdur.
Ýöne bukuda garaşýanlaryň öz
gany döküler,
bukuda otyrkalar, olaryň aljak
jany öz jany bolar.

[19] Olaryň takdyry[a] şeýle bolar,
zuluma gyzygyp toplan baýlygy
öz janyny alar.

[20] Danalyk köçede gaty seslenýär,
bazar ýerlerinde jar çekýär.

[21] Jemendeli ýerlerde gygyrýar,
şäher derwezesiniň agzynda
sözleýär:

[22] «Eý, nadanlar, haçana çenli
nadanlygy söýjeksiňiz?
Masgaralaýjylar haçana çenli
öz masgaralamagyndan keýp
aljakkalar?
Akmaklar haçana çenli bilimi
ýigrenjekkäler?

[23] Meniň käýinjime üns berseňiz,
ruhumy üstüňize dökerin.
Men sözümi size bildirerin.

[24] Men sizi çagyrdym, meni ret
etdiňiz;
elimi uzatdym, hiç kim oňa üns
bermedi.

[25] Gaýtam ähli maslahatymy ret
etdiňiz,
meniň käýinjimi duýmak
islemediňiz.

[26] Men-parasat betbagtlygyňyza
gülýändirin;
sizi gorky basanda ýaňsylaryn.

[27] Sizi gorky gaý kimin basanda,
betbagtlyk harasat bolup inende,
muşakgat hem gaýgy başyňyza
düşende,

[28] meni çagyrarsyňyz, ýöne men
jogap bermerin.
Meni ir ertirden agtararsyňyz,
emma tapmarsyňyz.

[29] Çünki olar bilimi ýigrendiler,
Rebden gorkmagy makul
bilmediler.

[30] Meniň maslahatymy kabul
etmediler,
ähli käýinjimi ýigrendiler.

[31] Munuň üçin olar tutan ýollarynyň
miwesini iýerler,
öz pällerinden taparlar.

[32] Çünki nadanlar ýoldan çykyp
ölerler,
akmaklary geleňsizlik heläk
eder.

[33] Meni diňlänler parahat mekan
tutarlar,
ýamanlykdan gorkman aman
bolarlar».

## 2-nji bap

[1] Oglum, meniň sözümi kabul
edip,
buýrugymy kalbyňda saklasaň,

[2] danalyga gulak asyp,
düşünjä ýüregiňi berseň,

[3] hawa, paýhasy çagyrsaň,
düşünjä ýalbarsaň,

[4] ony kümüş ýaly gözleseň,
hazyna dek agtarsaň,

---

[a] **1:19** ***Takdyry*** – käbir golýazmalarda *ýodalary.*

5 şonda Rebden gorkmaklyga akyl
ýetirip,
Hudaýy tanamagy başararsyň.

6 Çünki danalyk berýän Rebdir,
bilim hem düşünje Onuň
agzyndan çykýandyr.

7 Ol dogruçyllara ýardam berýär,
sadyklykda gezýänlere galkan
bolýar.

8 Ol adalat ýollaryny goraýar,
Özüne sadyklaryň ýoluny goraýar.

9 Şonda dogruçyllyga we adalata
akyl ýetirersiň,
adyllyga we ýagşy ýola düşünersiň.

10 Çünki danalyk seniň ýüregiňe
girer,
bilim kalbyňa hoş ýakar.

11 Akyllylyk seni gorar,
düşünje saňa sereder.

12 Danalyk seni ýaman ýoldan,
erbet gepleýänlerden halas eder.

13 Olar dogry ýoly taşlap,
garaňkylyk ýolundan ýöreýärler.

14 Ýaman iş edip şatlanýarlar,
ýamanyň erbetligine
guwanýarlar.

15 Olaryň ýollary egridir,
ýodalary öwrümlidir.

16-17 Hudaý bilen ähtini unudandan,
başdaşyndan aýrylyşan aýaldan,
dili süýji keseki zenandan
danalyk seni halas eder.

18 Çünki şeýle zenanyň öýi ölüme
eltýär,
ýollary zeminiň teýine barýar.

19 Onuň ýanyna giren yzyna
dolanyp bilmez,
gaýdyp ýaşaýyş ýoluna ýetmez.

20 Şonuň üçin ýagşy iş edýäniň
ýolundan ýöre,
dogruçyllaryň ýoluny tut.

21 Çünki ýurtda dogruçyllar mekan
tutarlar,
sadyklar şol ýerde galarlar.

22 Ýöne erbetlik edýänler ir ölerler,
haýynlar köki bilen gyrlarlar.

### 3-nji bap

1 Oglum, unutma öwredenlerimi,
buýruklarymy kalbyňda sakla.

2 Çünki olar ömrüň ýyllaryny uzaldar,
abadanlygyňy köpelder.

3 Sadyk söýgiňi terk etme.
Bagla olary boýnuňa.
Ýüregiň gatyna ýazyp goý.

4 Şonda sen Hudaýyň hem
adamlaryň nazarynda
merhemet we abraý taparsyň.

5 Öz düşünjäňe daýanma,
bütin ýüregiň bilen Rebbe bil
bagla.

6 Bar işleriňde Ony tana,
Ol seniň ýollaryňy dogrular.

7 Özüňi akylly saýma;

Rebden gork,
ýamandan çekil.

8 Şonda seniň janyňa sagdynlyk,
bedeniňe şypa berler.

9 Rebbi bütin baýlygyň hem
ilkinji hasylyň bilen hormatla.

10 Şonda seniň ammaryň dolup-daşar,
çelekleriň täze şerapdan joşar.

11 Rebbiň terbiýesini terk etme,
oglum.
Onuň käýinjine gysynma.

12 Çünki atanyň eý görýän ogluna
temmi berşi ýaly,
Reb hem söýenini
terbiýeleýändir.

13 Danalyk tapan, düşünje gazanan
adam bagtlydyr.

14 Çünki onuň girdejisi kümüşden,
peýdasy altyndan artykdyr.

15 Danalyk jöwherden gymmat,
hiç bir arzyly zat oňa taý gelmez.

16 Uzak ömür onuň sag elinde,
baýlyk hem şöhrat sol elinde.

17 Onuň ýollary ýakymly ýoldur,
barça ýodalary hem
salamatlykdyr.

18 Ýapyşanlar üçin ol durmuş
daragtydyr.
Ony gaýym tutanlar bagtlydyr.

19 Reb danalyk bilen jahany bina etdi;
düşünje bilen gökleri ýerleşdirdi.

20 Onuň biliminden çuňluklar
böwsüldi,
bulutlar çygyny pürkdi.

21 Oglum, danalygy, akyllylygy
gorap sakla,
gözüňden salma.

22 Şeýle etseň, olar janyňa ýaşaýyş,
boýnuňa bezeg bolar.

23 Onsoň aman-esen gezersiň,
büdremersiň.

24 Otursaň arkaýyn bolarsyň,
ýatsaň süýji uka gidersiň.

25 Duýdansyz gelýän howpdan,
erbetleriň başyna inen
weýrançylykdan gorkma.

26 Çünki Reb seniň ähtibaryň bolar,
aýagyňy duzaga düşmekden
saklar.

27 Eliňden gelýärkä,
mätäçlerden ýardamyňy aýama.

28 Eliňde barka, ýakynyňa:
«Git, soň gel, ertir bererin» diýme.

29 Saňa ynanyp, arkaýyn ýaşaýan
ýakynyňa garşy
ýaman niýet etme.

30 Ýamanlyk etmedik adam bilen
nähak jedelleşme.

31 Zalyma gözüň gitmesin,
onuň ýollaryny saýlama.

32 Reb azgyn adamlary ýigrenýär,
Ol dogruçyllara ýakyn bolýar.

33 Reb erbetleriň öýüni näletleýär,
dogruçyllaryň ýurduny bolsa
ýalkaýar.

34 Reb ýaňsylaýjylary
ýaňsylaýandyr,
pespäl adamlara rehim edýändir.

35 Akyllylar şöhrata eýe bolarlar,
akmaklar bolsa uýada galarlar.

## 4-nji bap

1 Ogullarym, diňläň ataňyzyň
öwüt-terbiýelerini,
düşünje almak üçin gulak asyň.

2 Çünki size gowy bilim berýärin,
meniň öwüdimden ýüz
öwürmäň.

3 Menem atamyň perzendidim,
enemiň eý görýän ýalňyzydym.

4 Atam maňa şeýle öwretdi:
«Sözlerimi ýüregiňe bagla.
Buýruklarymy berjaý et, şonda
ýaşarsyň.

5 Danalyk al, paýhasa eýe bol.
Aýdanlarymy unutma,
sözümden çykma.

6 Danalykdan aýrylma, ol seni
gorar;
söý ony, saňa gözegçilik eder.

7 Danalygyň başy şudur – oňa eýe
bol.
Bir zat satyn alsaň – paýhas al.

8 Oňa hormat goý, ol seni göge
göterer;
ony bagryňa bas, ol seni
şöhratlandyrar.

9 Başyňa güllerden boglan ajaýyp
täç geýdirer;
öwüşginli täji serpaý eder».

10 Diňle, oglum, aýdanlarymy kabul et,
uzalar ömrüň.

11 Saňa danalyk ýollaryny öwretdim,
dogrulyk ýodalaryndan ýöretdim.

12 Ýöräniňde aýagyňa päsgelçilik
bolmaz;
ylganyňda büdremersiň.

13 Terbiýä berk ýapyş.
Ony goýberme, ony gora.
Çünki ol seniň ýaşaýşyňdyr.

14 Erbediň ýodasyna gadam basma,
ýöreme ýamanlaryň ýolundan.

15 Daş dur şol ýoldan.
Ondan gitme.
Ondan sowlup geç.

16 Çünki ýamanlyk etmeseler uklap
bilmeýärler;
birini büdretmese, gözi
bürülmez.

17 Olar erbetlik nanyny iýýärler,
zalymlyk şerabyny içýärler.

18 Ýöne dogruçyllaryň ýodasy daň
şapagy ýalydyr,
gün dogýança, gitdigiçe
ýagtylýandyr.

19 Erbetleriň ýoly tüm-garaňkylyk
ýalydyr,

olar nämä büdrändigini
bilmeýärler.

20 Oglum, sözlerime üns ber,
aýdýanlaryma gulak as.

21 Olary gözüňden salma,
ýüregiň töründe sakla.

22 Çünki olary tapana ýaşaýyş,
tenlerine şypa berler.

23 Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora,
çünki ýaşaýşyň gözbaşy
ýürekden gaýdýar.

24 Agzyňdan egriligi,
diliňden hilegärligi aýyr.

25 Gözleriň dogry öňe seretsin,
nazaryň göni öňe dikilsin.

26 Aýak basjak ýodaňy dogrula,
şonda ähli ýollaryň berk
bolar.

27 Saga-sola sowulma,
ýamanlykdan daş dur.

## 5-nji bap

1-2 Oglum, akyllylygy gorar ýaly,
dodagyň bilimi gorar ýaly,
meniň danalygyma üns ber;
düşünjäme gulak as.

3 Çünki bozuk aýalyň dodagyndan
bal damýandyr,
sözleri ýagdan ýumşakdyr.

4 Emma soňunda ýowşan ýaly
ajydyr,
ikiýüzli gylyç ýaly ýitidir.

5 Onuň aýaklary ölüme,
ädimleri ölüler dünýäsine
tarapdyr.

6 Ol ýaşaýşa barýan ýol barada
oýlanmaýar;
ugry bulaşyk,
özi muny bilmeýär.

7 Şonuň üçin, ogullarym, meni
diňläň,
agzymyň sözlerinden çykmaň.

8 Ol aýaldan gaça duruň,
onuň bosagasyna ýakynlaşmaň.

9 Ýogsa abraýdan düşersiň,
zalyma bergidar bolarsyň.

10 Çeken azabyň hözirini başgalar
görer,
gazanjyň özgäniň öýüne gider.

11 Ah çekip nalarsyň ömrüň
soňunda,
teniň hem bedeniň guranda.

12 Diýersiň şonda: «Men näme üçin
terbiýäni ýigrendim,
ýüregim-de käýinji ret etdi?

13 Mugallymlarymy diňlemedim,
öwredýänlere gulak asmadym.

14 Jemlenen jemagatyň öňünde,
tas masgara bolupdym».

15 Suwy diňe öz guýyňdan,
öz çeşmäň akaba suwundan iç.

16 Çeşmeleriň köçelere,
bulaklaryň meýdançalara
ýaýrasynmy?

17 Olary özge bilen paýlaşma,
olar diňe özüňki bolsun.

18 Bulagyň suwlary ak pataly bolsun,
ýaşlykda öýleneniňe guwan.

19 Ol bir söýgüli jeren, näzik maral
ýalydyr,
onuň göwüsleri seni gandyrsyn.
Mydama keýpli joş.

20 Oglum, seni näme üçin başga aýal
joşdurmaly?
Näme üçin zynahor aýaly
bagryňa basjak?

21 Ynsanyň ýollary Rebbiň gözüniň
alnyndadyr,
olaryň ähli ýodalaryny
synlaýandyr.

22 Erbetler öz etmişinde tutulyp,
günälerine baglanýarlar.

23 Olar terbiýesizlikden ölerler,
aşa akmaklygyndan azaşarlar.

## 6-njy bap

1 Oglum, karz aljaga kepil geçip,
oňa derek el beren bolsaň,

2 öz diliňden duzaga düşensiň,
öz sözleriň bilen tutulansyň.

3 Ondan halas bolmak üçin şeýle
etmeli, oglum.
Ýakynyň penjesine düşeniňe görä,
bar-da, onuň öňünde özüňi kiçelt.
Ýalbar.

4 Gözüňe uky berme,
gabagyňy ýumma.

5 Awçydan gaçan jeren kimin,
guşbazyň elinden sypan guş
kimin özüňi gutar.

6 Eý, ýalta, garynjanyň ýanyna bar;
olaryň işleýşine seret-de, akyl
al!

7 Olaryň ne baştutany, ne gözegçisi,
ne-de hökümdary bar.

8 Tomusda öz iýmitini toplaýarlar,
orakda öz azygyny ýygnaýarlar.

9 Eý, ýalta kişi, sen haçana çenli
ýatjak?
Ukudan haçan oýanjak?

10-11 Birazajyk uklamak, biraz
irkilmek üçin,
gyşaryp gol gowşuranyňda,
garyplyk garakçy ýaly,
mätäçlik ýaragly adam mysaly
başyňdan iner.

12 Deýýus bilen ýamanyň
ýalan ýaşaýar agzynda.

13 Ol gözlerini gypýar, aýaklary
bilen yşarat edýär,
barmagy bilen ümleýär.

14 Ýüreginde mekir niýet bar,
mydama dawa-jenjel turuzýar.

15 Şonuň üçin oňa betbagtçylyk
duýdansyz iner;
pagyş-para bolar, şypa
tapylmaz.

16 Reb alty zady,
dogrusy, ýedi zady
ýigrenýändir:

17 tekepbir gözi, ýalançy dili,
bigünä gan döküýän eli,

18 ýaman niýetli ýüregi,
ýamanlyga ýortýan aýaklary,

19 ýalan ýagdyrýan galp şaýady,
doganlar arasynda dawa
dörediýän adamy.

20 Oglum, atañ buýrugyny berjaý et,
eneñ öwütlerinden ýüz
öwürme.

21 Olary mydam ýüregiñde sakla,
boýnuña bagla.

22 Ýolbelet bolarlar saña ýörän
mahalyň;
gorarlar seni ýatan mahalyň;
gürrüňdeş bolarlar oýa
wagtyňda.

23-24 Ýaman aýaldan, süýji dilli zynahor
aýaldan goramak üçin,
buýruk – çyra,
öwüt – nur,
käýinç-terbiýe – ýaşaýşa ýoldur.

25 Onuň gözelligine ýüregiňden
höwes etme,
kirpikleriniň ýesiri bolma.

26 Lolynyň bahasy bir döwüm
çörege dursa-da,
bu kemçin gymmatly jany
awlaýandyr.

27 Kim eteginde ot göterer-de,
eşigini ýakmaz?

28 Kim közüň üstünden ýörär-de,
dabany köýmez?

29 Ýakynynyň aýalyna ýanaşan hem
şeýle bolýar;
oňa el degren jezasyz galmaz.

30 Açka garnyny doýurmak üçin
ogurlan
ogryny ýigrenýän däldirler
ahyryn?

31 Ýöne ol tutulsa, ýedi esse edip
gaýtarar,
öýüniň bar baýlygyny bermeli
bolar.

32 Zyna edýän adam kemakyldyr,
ol öz janyny heläk edýär.

33 Ol tenine ýara alar, biabraýçylyga
uçrar,
päklenip bolmajak uýada galar.

34 Çünki gabanjaňlyk erkek kişini
gazaplandyrýar,
ol öç alanda, hiç rehim etmez.

35 Ol seniň para-peşgeşiňe bakmaz,
näçe töleseň-de, hiç razy bolmaz.

## 7-nji bap

1 Oglum, meniň sözlerimi sakla,
buýruklarymy unutma.

2 Buýruklarymy sakla, şonda
ýaşarsyň,
öwütlerimi gözüň göreji ýaly
aýa.

3 Olary barmaklaryňa dak,
ýüregiň gatyna ýazyp goý.

4-5 Özüňi zynahor aýaldan saklar
ýaly,

süýji dilli başga aýaldan gorar
ýaly,
danalyga: «Sen meniň uýam» diý.
Paýhasa: «Garyndaşym» diý.

6 Bir gezek men öz öýümiň
penjiresinden,
gözenegiň arasyndan aşak
seredýärdim.

7 Nadan jahyllaryň arasynda
bir kemakyl ýaş ýigidi gördüm.

8-9 Alagaraňkyda, agşamara, gije
aralaşyp, garaňky düşende,
burçdaky ol aýalyň öýüne golaý
köçeden geçip,
onuň öýüne tarap barýar.

10 Seret, bir aýal öňünden çykdy,
loly lybasyndaky gara ýürekli
aýal ony garşy aldy.

11 Ol şermendedir hem hötjetdir,
öz öýünde oturyp bilmez.

12 Bir görseň köçede, bir görseň
bazarda,
her burçda bir adama
garaşýandyr.

13 Aýal ýigidi gujagyna garbap, ony
ogşaýar,
ýüzüni galňadyp, şeýle diýýär:

14 «Men şu gün wadamy ýerine
ýetirdim,
salamatlyk gurbanlygyny berdim.

15 Şonuň üçin seni garşylamaga
çykdym,
gözlegiňe çykdym-da, indi
tapdym.

16 Dürli gülli müsür matasyndan
düşek ýazdym.

17 Düşegime hoşboý ysly mür,
ahalot hem dalçyn sepdim.

18 Gel, ertire çenli yşkdan
doýup-ganýançak,
aýşy-eşretden lezzet alaly.

19 Çünki ärim öýde ýok;
ol uzak ýola gitdi.

20 Ýanyna kümüşli horjunyny
aldy.
Aý dolýança, öýe dolanmaz».

21 Ençeme söz bilen özüne maýyl
edýär,
süýji dili bilen ýigidi yrýar.

22-23 Ýigit öldürilmäge alnyp barylýan
öküz ýaly,
bagryndan ok geçýänçä, duzaga
howlugýan sugun ýaly,
janynyň kastynadygyny bilmän
tora barýan guş mysaly,
aýalyň yzyna düşýär.

24 Şol sebäpli, ogullarym, maňa
gulak goýuň,
aýtjak sözüme üns beriň.

25 Ýüregiňiz onuň ýoluna
yrylmasyn,
onuň ýodalarynda azaşmaň.

26 Çünki ol köpleri ýaralap ýykdy,
pidalary sansyz-sajaksyzdyr.

27 Onuň öýi ölüler dünýäsiniň
ýoludyr,
ölüme inýändir.

## 8-nji bap

1 Danalyk çagyrmaýarmy eýsem?
Belent jar çekýän düşünje
dälmidir?

2 Danalyk ýol ýakasyndaky
belentligiň üstünde,
ýodalaryň çatrygynda durýar.

3 Ol şäher derwezeleriniň agzynda,
girelgeleriň öňünde durup jar
çekýär:

4 «Eý, adamlar, men sizi
çagyrýaryn,
çagyryşymy ynsan ogullaryna
gönükdirýärin.

5 Nadanlar, akylly boluň!
Siz, akmaklar, akylyňyza
aýlanyň.

6 Diňläň, men möhüm zatlary
aýdýaryn,
dogryny beýan edýärin.

7 Çünki dilim şeksiz hakykaty
gepleýär,
agzym ýalany ýigrenýär.

8 Bar sözüm dogrudyr,
ýokdur egri-ýalany.

9 Düşünýäne olaryň ählisi aýdyňdyr,
bilim tapanlar üçin dogrudyr.

10 Kümşi däl, nesihatymy al,
sap altyn ornuna bilim al.

11 Çünki danalyk jöwherden
gowudyr,
hiç arzyly zat oňa taý gelmez.

12 Men danalykdyryn, pähim-
-paýhas bilen ýaşaýaryn,
bilim hem akyllylyk mendedir.

13 Rebden gorkmak ýamanlygy
ýigrenmekdir.
Men tekepbirligi hem
ulumsylygy,
ýamanlyk ýoluny, ýalançy dili
ýigrenýärin.

14 Öwüt hem sagdyn çözgüt mendedir.
Paýhas mendirin,
güýç-kuwwat hem mendedir.

15 Men arkaly patyşalar şalyk
edýärler,
hökümdarlar adyl höküm
çykarýarlar.

16 Serdarlar, emeldarlar, barça
dogruçyl höküm ýöredýänler
meniň üstüm bilen höküm
sürýärler.

17 Meni söýýänleri söýýärin,
meni yhlas bilen agtarýanlar
tapýarlar.

18 Baýlyk, şöhrat, tükenmez
mal-mülk
we adalat mendedir.

19 Meniň miwäm tylladan, sap
altyndan gowudyr,
meniň peýdam saýlama
kümüşden oňatdyr.

20-21 Özümi söýýänlere baýlygy miras
berýän,
olaryň hazynalaryny doldurýan.
Çünki men dogrulyk ýolundan,
adalat ýodalaryndan ýöreýän.

22 Reb owal başda meni emele
getirdi,
Onuň eden işleriniň ilkinjisi
mendim.

23 Gadymyýetde,
Dünýä ýaradylmazdan öň,
başda men berkarar edildim.

24 Düýpsüz suwlar ýokka,
bol suwly çeşmeler ýokka
doguldym.

25-26 Daglary ýerde dikeltmänkä,
depeler döremezden öň emele
geldim.
Reb zemini,
ýeriň topragyny entek
ýaratmandy.

27 Hudaý gökleri berkarar eden
mahaly,
düýpsüz suwlaryň ýüzüne
gözýetim çekende,
men ol ýerdedim.

28 Gökde bulutlary berkidip,
düýpsüz suwlarda çeşmeleri
goýanda,

29 suwlar buýrugymdan çykmasyn
diýip,
deňze çäk çeken mahaly,
Ýeriň binýadyny tutan mahaly,

30 bir ussa ýaly men Onuň
ýanyndadym.
Her gün Onuň begenjidim,
Onuň huzurynda elmydam
şatlanýardym.

31 Onuň tutuş dünýäsinden
şatlandym,
ynsan ogullaryna begendim.

32 Indi, ogullarym, meni diňläň!
Meniň ýolumy tutýanlar nähili
bagtly!

33 Öwüt-nesihatyma gulak goýup,
akyl-paýhasly boluň,
ony harlamaň.

34 Her gün derwezämi garawullap,
gapymy gorap, meni diňleýän
adam bagtlydyr!

35 Çünki meni tapan ýaşaýşy tapar
we Rebbiň razylygyny gazanar.

36 Kim meni tutmasa, öz janyna
zyýan edýär.
Meni ýigrenýänleriň ählisi
ölümi söýýändir».

## 9-njy bap

1 Danalyk özüne jaý gurdy,
onuň ýedi sütünini ýondy.

2 Gurbanlyk soýdy,
şerabyny häzirläp, saçagyny ýazdy.

3 Kenizlerini ýollap,
şäheriň belent ýerinden jar
çekdiler:

4 «Kim nadan bolsa, bärik
sowulsyn!»
Kemakyla bolsa şeýle diýýär:

5 «Gel, meniň nanymdan iý,
taýýarlan şerabymdan iç.

6 Nadanlykdan çyk, şonda ýaşarsyň.
Paýhas ýolundan ýöre».

7 Masgaralaýja käýän özüne uýat
getirer,
erbetlik edýäni ýazgaran özüne
zyýan ýetirer.

8 Masgaralaýja käýeme, ýogsa seni
ýigrener.
Akyldara käýe, ol seni söýer.

9 Akyldara öwretseň, akyldarlygy
artar,
dogruçyla öwretseň, bilimi artar.

10 Danalygyň başlangyjy Rebden
gorkmakdyr.
Mukaddesligi tanamak bolsa
pähim-paýhasdyr.

11 Çünki meniň üstümden seniň
günleriň uzalar,
ömrüň ýyllary artar.

12 Akylly bolsaň, özüňe peýda.
Masgaralasaň-da, ony özüň
çekersiň.

13 Akmak aýal şermendedir,
nadandyr, hiç zat bilýän däldir.

14-15 Öýüniň gapysynyň alnynda,
şäheriň belent ýerinde oturyp,
ýoldan geçip barýanlary
çagyrmak üçin jar çekýär:

16 «Kim nadan bolsa, bärik
sowulsyn!»
Kemakyla bolsa:

17 «Ogurlyk suw süýjüdir,
gizlin iýilýän nan tagamly»
diýýändir.

18 Emma ol ýerde ölümiň bardygyny,
onuň ýanyna baranlaryň ölüler
dünýäsiniň düýbündedigini
bilmeýärler.

## 10-njy bap

1 *Süleýmanyň pähimleri*

Akylly ogul atasyna şatlykdyr,
akmak ogul enesine gaýgydyr.

2 Erbetlik bilen gazanylan baýlygyň
peýdasy ýokdur,
dogrulyk bolsa ölümden halas
edýändir.

3 Reb dogruçyly aç goýýan däldir,
ýöne erbetleriň arzuwyny ret
edýändir.

4 Ýalta el garyplyk getirýär,
işeňňir el baýlyk.

5 Tomusda ýygnaýan parasatly
oguldyr,
Orak wagtynda uklaýan atasyny
uýada goýýar.

6 Dogrularyň başyna bereket ýagýar,
erbediň dilinde zorluk gizlenýär.

7 Dogrularyň ýatlanmagy
ýalkanyşdyr,
erbetleriň ady çüýreýändir.

8 Kalbynda danalyk bolan öwüdi
kabul eder,
akmagyň dili bolsa bela elter.

9 Sadyklykda gezen aman
gezýändir,
egri ýoldan ýörän aýan
bolýandyr.

10 Göz gypýan gam-gussa duçar
bolar,
akmagyň dili başyna bela
getirer.

11 Dogrularyň agzy ýaşaýyş
bulagydyr,
erbetleriň agzy zorlugy
örtýändir.

12 Ýigrenç gahar-gazaby oýarýar,
söýgi bolsa bar ýazygy
bagyşlaýar.

13 Düşünjeli adamyň dilinden
danalyk dökülýär,
kemakylyň arkasyna bolsa
gamçy garaşýar.

14 Akyllylar bilimi goraýarlar,
akmagyň dili bolsa heläkçilige
getirýär.

15 Baýyň galasy onuň baýlygydyr,
garybyň ýoksullygy onuň
heläkçiligidir.

16 Dogrynyň gazanjy ýaşaýşa
getirýär,
erbetleriň gazanjy günä getirýär.

17 Terbiýäni saklaýan ýaşaýyş
ýolundadyr,
käýinji ret edýän bolsa ýoldan
azaşýandyr.

18 Ýigrenji ýaşyrýan kişi – ýalançy,
gybat ýaýradýan bolsa
akmakdyr.

19 Gepi köpüň ýazygy bardyr,
emma agzyna eýelik edýän
adam parasatlydyr.

20 Dogruçylyň dili saýlama
kümüşdir,
erbetleriň ýüregi hiç zada
durýar.

21 Dogruçylyň agzy köpleri bakýar,
akmaklar bolsa kemakyllykdan
ölýär.

22 Rebbiň berekedi baýlyk getirýär,
Ol bu baýlyga dert-alada
goşmaz.

23 Akmak ýamanlyga şatlanar,
düşünjeli adam danalyga.

24 Erbediň gorkusy başyna geler,
dogruçyllar myradyna ýeter.

25 Tupan geçýär, erbetler ýok bolýar,
dogruçyllar bolsa ebedi berkdir.

26 Işýakmaza iş buýurmak,
diliňe burç degen, gözüňe tüsse
dolan ýalydyr.

27 Rebden gorkmak ömri
uzaldýandyr,
erbediň ömri gysgalýar.

28 Dogruçylyň umydy şatlyk
getirýär,
erbediň umydy puja çykýar.

29 Rebbiň ýoly dogrulara penadyr,
şerlere bolsa gorky-beladyr.

30 Dogruçyl hiç haçan ornundan
sarsmaz,
erbetler ýer ýüzünde galmaz.

31 Dogruçylyň dilinden danalyk
ýaýraýandyr,

ýalan sözleýän dil kesilip
taşlanýandyr.

32 Dogruçylyň agzy mynasyp sözi
bilýär,
erbediň agzyndan egrilik
çykýar.

## 11-nji bap

1 Rebbiň ýigreneni galp terezidir,
dogry ölçegden bolsa göwni hoş
bolýandyr.

2 Tekepbirlik gelse, masgaraçylyk
gelýändir,
akyldarlyk bolsa kiçigöwünliler
bilendir.

3 Dogry adamyň dogruçyllygy oňa
ýol görkezýändir,
dönügiň hilegärligi bolsa ony
heläk edýändir.

4 Gazap gününde mal-mülk haýyr
berýän däldir,
dogruçyllyk bolsa ölümden
gutarar.

5 Sadyk adamyň dogrulygy onuň
ýoluny gönelder,
erbetler bolsa öz erbetligi
zerarly ýykylar.

6 Dogry adamlary dogruçyllygy
halas edýär,
haýynlar öz nebsine
çolaşýarlar.

7 Erbet adam ölse, onuň umyt-
-niýetem ölýär,
onuň baý bolmak tamasy puja
çykýar.

8 Dogry adam muşakgatdan
gutulýar,
oňa derek erbetler muşakgata
uçraýar.

9 Imansyz ýakynyny dili bilen
heläkleýär,
dogruçyl bolsa bilim bilen
gutulýar.

10 Dogrularyň işi rowaç alanda,
şäher begenýär,
erbetler ölende toý-dabara bolýar.

11 Dogruçyllaryň dileginden şäher
belende galýar,
erbetleriň dilinden ol weýran
bolýar.

12 Ýakynyny kemsidýän kemakyldyr,
düşünjeli adamyň agzyndan söz
çykmaýar.

13 Gybatkeş başganyň syryny paş
edýändir,
ynamdar göwün syrdaş
bolýandyr.

14 Maslahatsyz millet heläk
bolýandyr,
maslahatçy köp bolan ýerde
ýeňiş bar.

15 Nätanşa kepil bolan köp zyýan
çeker,
kepil bolmakdan gaçan dynç
gezer.

16 Mylakatly aýal hormat,
zalymlar baýlyk gazanýandyr.

17 Merhemetli özüne peýda getirýär,
zalym bolsa özüne zyýan edýär.

18 Erbediň gazanjy galplykdyr,
dogrulyk ekýän hökman
hakyny alar.

19 Ýürekden dogruçyl
ynsan – ýaşaýşa,
ýamanlygy yzlaýan – ölüme
barýar.

20 Gara ýürekliler Rebbe nejisdir,
Reb sadyk ýoldan hoşaldyr.

21 Men söz berýän, elbetde, ýaman
jezasyz galmaz,
dogrularyň nesilleri gutular.

22 Salykatlylykdan ýüz öwren
görmegeý aýalyň ýagdaýy
doňzuň burnuna dakylan altyn
ysyrga ýalydyr.

23 Dogrular diňe ýagşylygy
arzuwlar,
erbetleriň garaşýany
gahar-gazap.

24 Biri bar paýlaýandyr, baýlygy
bolsa artýar.
Biri bar – gaty gysyk, diňe
mätäçlige gowuşýar.

25 Sahy adamyň berekedi artar,
suw berene suw berler.

26 Gallasyny gizleýäne halk
gargaýar,
galla satýanyň başyna bereket
ýagýar.

27 Ýagşylyk gözleýän merhemet
gazanýar,
ýamanlyk gözleýän ýamanlyga
ýeter.

28 Baýlygyna baýrynýan ýykylar,
dogrular bolsa täze baldak ýaly
öser.

29 Hojalygyna betbagtlyk getiren ýel
gysymlan ýaly bolar,
akmak akylly adamyň
hyzmatkäri bolar.

30 Dogrynyň miwesi ýaşaýyş
daragtydyr,
akyldar adam ynsanlary
gazanýar.

31 Dünýäde dogry adam
jezalandyrylsa,
erbet bilen günäkäriň almyty,
gör, näçe esse bolar!

**12-nji bap**

1 Terbiýäni söýýän bilimi
söýýändir,
käýinji ýigrenýän bolsa
samsykdyr.

2 Ýagşy adam Rebbiň merhemetini
gazanýandyr,
erbet niýetlini bolsa höküm
edýändir.

3 Adam erbetlik bilen berkäp bilmez,
dogrularyň köküni hiç zat
goparmaz.

4 Mynasyp aýal äriniň başynyň
täjidir,
binamys aýal bolsa süýegiňi
çüýreder.

5 Dogruçylyň pikiri adyldyr,
erbetleriň maslahaty
haýynlykdyr.

6 Erbetleriň gep-gürrüňi gan
dökmäge teşnedir,
dogrularyň dili bolsa olary
halas eder.

7 Erbetler düňderilip ýok bolýandyr,
dogrularyň öýi bolsa berk
durýandyr.

8 Ynsan akyl-paýhasyna görä öwülýär,
adamda egri hyýal bolsa
halanmaýar.

9 Özüni ulumsy tutup, nana zar
bolan adamdan,
gününi özi dolaýan garamaýak
gowudyr.

10 Dogruçyl kişi malynyň janyny
hem gaýgyrýar,
erbetleriň rehimi hem zalymlykdyr.

11 Ýerini bejerýän adamyň nany bol
bolar,
boş hyýala eýerýän bolsa
kemakyldyr.

12 Erbetler ýamanlaryň oljasyny
isleýär,
dogruçyllaryň bolsa köki ösýär.

13 Ýamanlar ýazykly gürrüňinden
duzaga düşýär,
dogruçyllar kynçylykdan ýol
tapýar.

14 Ynsan diliniň miwesinden
ýagşylyk tapar,
elleriniň hyzmaty özüne serpaý
bolar.

15 Akmagyň ýoly öz gözüne
dogrudyr,
akyldar adam maslahaty
diňleýär.

16 Akmagyň gahary derrew
bildirýändir,
seresaply kişi göwne deglenini
ýaşyrýandyr.

17 Hakykaty aýdýan adyl
gepleýändir,
galp şaýat bolsa ýalany.

18 Oýlanman gepleýän dil gylyç ýaly
sanjylýandyr,
akyldaryň dili bolsa şypa
berýändir.

19 Çyn dil ebedilikdir,
ýalançy dil az salymlykdyr.

20 Ýaman niýetliniň ýüreginde hile
bardyr,
salamatlygy niýetleýän bolsa
şatlyk alar.

21 Dogruçyl adama hiç bela gelmez,
erbetleriň başy beladan
gutulmaz.

22 Ýalan dil Reb üçin nejislikdir,
dogruçyllyk isleýänlerden bolsa
Ol hoşaldyr.

23 Seresaplylar bilimi özi üçin
saklaýar,
akmagyň ýüregi bolsa
akmaklygyny äşgär edýär.

24 Janypkeşiň eli höküm sürer,
ýalta mejbury işe gider.

25 Gaýgyly ýürek adamy çökerýär,
ýagşy söz bolsa ony şatlandyrýar.

26 Dogruçyl adam ýakynyna ýol
görkezýändir,
erbetleriň ýoly bolsa
azaşdyrýandyr.

27 Ýaltanyň eli tutan awuny
bişirmez,
gaýratly bolsa gymmatly hazyna.

28 Dogrulyk ýolunda ýaşaýyş bardyr,
ol ýolda ölüm ýokdur.

## 13-nji bap

1 Akylly ogul atasynyň öwredenini
diňleýär,
masgaralaýjy bolsa käýinje
gulak asmaýar.

2 Ýagşylar agzynyň miwesinden
hasyl alar,
ýöne haýynlaryň islegi zulumdyr.

3 Diline berk janyny goraýandyr,
agzyboşlar heläkçilige barýandyr.

4 Ýaltanyň göwni isleýär, ýöne hiç
zat gazanmaýar,
janypkeşiň göwni bolsa
dokmädedir.

5 Dogruçyl ýalan sözi ýigrenýär,
erbet bolsa ryswalyk getirýär.

6 Dogruçyllyk dogrularyň ýoluny
goraýar,
ýöne günä erbetleri ýykýandyr.

7 Biri bardyr, özüni baý görkezýändir,
ýöne hiç zady ýok.
Biri bardyr, özüni garyp
görkezýändir, emma
baýlygy köp.

8 Adamyň baýlygy janyna töleg
bolýar,
ýöne garyp haýbaty diňleýän
däldir.

9 Dogruçylyň nury şöhle saçýar,
erbediň çyrasy öçýär.

10 Tekepbirlikden diňe jedel döreýär,
maslahat soraýanda danalyk.

11 Duýdansyz gelen baýlyk barha
azalar,
el bilen çöpleýän köp gazanar.

12 Uzaga çeken tama ýürek derdidir,
hasyl bolan isleg ýaşaýyş
daragtydyr.

13 Öwüdi äsgermeýän özüni heläk
edýär,
buýrugy saklaýan bolsa sylag-
-serpaý alýar.

14 Akyldaryň öwüdi
ölüm duzagyndan sowýan
ýaşaýyş çeşmesidir.

15 Sagdyn pikir merhemet gazanýar,
haýynyň ýoly muşakgata
barýar.

16 Seresaplylar bilim bilen iş
edýändirler,
akmak bolsa samsyklygyny
görkezýändir.

17 Erbet ilçi başa bela getirýär,
sadyk ilçi bolsa şypa getirýär.

18 Öwüt-nesihaty ret eden garyplyk
hem biabraýlyk alar,
käýinji kabul edene hormat.

19 Amala aşan arzuw jana rahatlyk
berýär,
ýamanlykdan aýrylmagy akmak
ýigrenýär.

20 Akyldarlar bilen ýöreýän akylly
bolar,
akmak bilen gatnaşýan zyýana
galar.

21 Günäkäri betbagtlyk kowalaýar,
dogruçyllar bolsa ýagşylyk
sylagyny alýar.

22 Ýagşy adam agtyk-çowluklaryna-
-da miras galdyrýar,
ýöne günä edýänleriň baýlygy
dogrulara galýar.

23 Garybyň ýeri bol hasyl berýär,
ýöne ol adalatsyzlyk bilen
süpürilip äkidilýär.

24 Taýagyny gaýgyrýan adam
ogluny ýigrenýändir,
ony söýýän bolsa wagtynda
terbiýe berýär.

25 Dogruçylyň doýýança iýjegi
bardyr,
emma erbetleriň garny aç galar.

## 14-nji bap

1 Akyldar zenan öýüni gurýar,
akmak aýal bolsa öýüni öz eli
bilen ýumurýar.

2 Dogrulykda ýöreýän Rebden
gorkýandyr,
Ýoldan çykýan bolsa, Ony
ýigrenýändir.

3 Tekepbiriň sözi – özüne gamçy,
dananyň dodagy bolsa özüni
goraýandyr.

4 Öküzler ýok wagty ahyr arassa,
hasylyň bolçulygy bolsa öküziň
güýji bilendir.

5 Sadyk şaýat ýalan sözlemez,
galp şaýat her deminde ýalan
ýagdyrýandyr.

6 Masgaralaýjy danalyk agtarsa-da,
ony tapýan däldir,
düşünjeli adama bolsa bilim
aňsatdyr.

7 Akmagyň ýanyndan çekil,
çünki onuň agzyndan bilim
almarsyň.

8 Paýhasly adamyň danalygy öz
ýoluna düşünmegi üçindir,
akylsyzyň akmaklygy bolsa
aldawçylykdyr.

9 Akmaklar günä gülýändirler,
ýöne hoşallyk dogruçyllaryň
arasyndadyr.

10 Ýürek öz derdini özi bilýändir,
şatlansa-da keseki goşulýan däldir.

11 Erbetleriň öýi weýrana dönýär,
dogruçyllaryň çadyry pajarlap
ösýär.

12 Ýol bardyr, adama dogry ýaly
görünýär,
ýöne onuň soňy ölüme barýar.

13 Käte gülki içinde-de ýüregiň
gamgyn,
şatlygyň soňunda-da gam bardyr.

14 Wyždansyz öz ýollaryndan,
ýagşy adam öz edeninden
kanagatlanar.

15 Nadan her söze ynanýandyr,
paýhasly adam bolsa öz ädimini
oýlaýandyr.

16 Akylly adam ýamanlykdan
gorkup gaça durýandyr,
akmak bolsa hetdenaşa
batyrsyrap, soňuny saýmaz.

17 Gaharjaň adam akmaklyk
edýändir,
mekir adam hem ýigrenilýändir.

18 Nadanlar akmaklygy miras alýar,
paýhaslylar bolsa bilim täjini
geýýär.

19 Ýamanlar ýagşylaryň öňünde,
erbetler dogruçylyň gapysynda
baş egýändir.

20 Garyby öz ýakynlary-da
ýigrenýändir,
baýy bolsa söýýän köpdür.

21 Öz ýakynyny ýigrenýänler günä
edýändir,
garyba rehim edýän bolsa
bagtlydyr.

22 Ýamanlygy niýet edýänler
ýalňyşmaýarlarmy?
Ýagşylygy pikir edýänler sadyk
söýgi gazanmaýarlarmy?

23 Her bir zähmetden haýyr geler,
boş gep diňe mätäçlik getirer.

24 Danalygyň baýlygy hormat täjidir,
akmaklaryň bezegi olaryň
akmaklygydyr.

25 Çyn şaýat adamy halas edýändir,
ýalançy şaýat bolsa dönüklik
edýändir.

26 Rebden gorkýana güýçli gorag
bardyr,
onuň çagalaryna-da pena bolar.

27 Ynsany ölüm duzagyndan sowar
ýaly,
Rebden gorkmak ýaşaýyş
çeşmesidir.

28 Patyşanyň şöhraty halkyň
köplügindedir,
halkyň ýok bolmagy
hökümdaryň heläkçiligidir.

29 Giň göwünli adamyň düşünjesi
köpdür,
dargursak bolsa akmaklygy
beýgeldýändir.

30 Asuda paýhas bedene ýaşaýyş
berýär,
göriplik bolsa süýekleri çüýredýär.

31 Ejizi ezýän ony Ýaradany
ynjadýandyr,
mätäje merhemet edýän
Ýaradany hormatlaýandyr.

32 Erbet öz ýamanlygyndan
ýykylýar,
dogruçyla bolsa ölümde hem
pena garaşýar.

33 Danalyk düşünjeli ýürekde ýaşaýar,
hatda akmaklar arasynda-da
bildirýär.

34 Dogrulyk milleti beýgeldýän
bolsa,
günä halklara utançdyr.

35 Paýhasly iş edýän hyzmatkär
patyşanyň merhemetini
gazanýar,
masgara iş edýän bolsa Onuň
gazabyna duçar bolýar.

## 15-nji bap

1 Mylaýym jogap gahary sowýar,
gaty söz gazaby joşdurýar.

2 Danalygyň dilinden bilim
ýaýraýar,
akmagyň agzyndan akmaklyk
çykýar.

3 Rebbiň gözi hemme ýerdedir,
ýamana-ýagşa bakýandyr.

4 Mylaýym dil ýaşaýyş daragtydyr,
bozuk dil ruhy çökerýär.

5 Akmak atasynyň öwüdini ret
edýändir,
terbiýä gulak asýan bolsa
seresaplydyr.

6 Dogrynyň öýünde baýlyk
köpdür,
erbediň gazanjynda muşakgat
bardyr.

7 Dananyň dili bilim ýaýradýar,
akmagyň aňy beýle däldir.

8 Erbetleriň gurbanlygy Rebbe
ýigrenjidir,
dogruçyllaryň dogasy-da Onuň
guwanjydyr.

9 Erbetleriň ýoly Rebbe ýigrenjidir,
dogruçyllygy yzlaýany bolsa Ol
halaýandyr.

10 Dogry ýoly terk edýän berk jeza
alar,
terbiýäni ýigrenýän ölüme barar.

11 Ölüler dünýäsi we heläkçilik ýeri
Rebbe açyk bolsa,
ynsan ýüregi Oňa has hem
aýandyr.

12 Masgaralaýjy adam käýinji
halaýan däldir,
ol akyldaryň ýanyna hem
gitmez.

13 Ýürek şatlygy ýüzi ýagtyldýar,
ýürek yzasy ruhy syndyrýar.

14 Düşünjeli adamyň ýüregi bilim
agtarýandyr,
akmaklaryň agzy bolsa
akmaklykdan ganýandyr.

15 Garyplaryň hemme güni
muşakgat,
ýöne ýagşy ýürek mydamalyk
meýlisdir.

16 Köp baýlyk bilen kynçylykda
ýaşanyňdan,
az baýlyk bilen Rebden gorkup
ýaşamak ýagşydyr.

17 Ýigrenç bilen iýlen göle etinden,
söýgi bilen iýlen bulamak
gowudyr.

18 Gaharjaň dawa turuzýandyr,
giň göwünli bolsa jenjeli
ýatyrýandyr.

19 Ýaltanyň ýoly tikenli aýmança
meňzeýär,
dogruçylyň ýoly bolsa düzdür.

20 Akylly ogul atasyny
guwandyrýar,
akmak ogul bolsa enesini
ýigrenýär.

21 Akmaklyk kemakyllara şatlykdyr,
düşünjeliler bolsa dogry ýöreýär.

22 Maslahat bolmasa maksatlar
puçdur,
maslahatçy köp bolanda myrat
hasyl bolýar.

23 Ynsana şatlyk gowy jogapdan
gelýändir,
ýerlikli söz adama şatlyk
getirýändir.

24 Akyldara ýokardaky durmuş
ýolundan ýöremegi
aşakdaky ölüler dünýäsinden
daşlaşmagy üçindir.

25 Reb tekepbirleriň öýüni
ýykýandyr,
dul hatynyň çägini bolsa
goraýandyr.

26 Ýaman niýet Rebbe ýigrenjidir,
ýakymly sözleri bolsa tämiz
saýýar.

27 Nebsine çapýan öýüne alada
getirýär,
parany ýigrenýän bolsa uzak
ýaşaýar.

28 Dogruçylyň aňy jogap berende
oýlanýandyr,
erbetleriň agzy ýamanlygy
sowurýandyr.

29 Reb erbetlerden daşdadyr,
dogruçyllaryň dogasyny bolsa
eşidýär.

30 Gözüň nury ýüregi begendirýär,
hoş habar bolsa süňküňe
kuwwat berýär.

31 Ýaşaýyş öwüdini diňleýän gulak
parasatlylar arasynda mesgen
tutar.

32 Öwüt-nesihaty tutmaýan öz
janyny ýigrenýändir,
öwüdi diňleýän bolsa düşünje
gazanýar.

33 Rebden gorkmaklyk danalygy
öwredýändir,
hormat pes göwünlilikden soň
gelýändir.

## 16-njy bap

1 Ýüregiň pikirleri ynsandan,
ýöne diliň jogaby Rebdendir.

2 Adamyň ähli ýollary öz gözüne
sapdyr,
ýöne ruhuňa syn edýän Rebdir.

3 Işleriňi Rebbe tabşyr,
niýetleriň berkarar bolar.

4 Reb ähli zady bir maksadyna
döretdi,
hatda erbedi hem ýaman gün üçin.

5 Ähli tekepbir Rebbe ýigrenjidir.
Hatyrjem bol, olar jezasyz galmaz.

6 Sadyk söýgi etmişden saplaýar,
Rebden gorkmak ýamanlykdan sowýar.

7 Adamyň işleri Rebbiň göwnünden turanda,
ony hatda duşmanlary bilen ýaraşdyrýar.

8 Haramlykdan gelen uly gazançdan,
halallykdan gelen az gowudyr.

9 Adam ýüreginden niýet edýär,
onuň ädimine bolsa Reb höküm edýär.

10 Ruhubelent çözgüt patyşanyň dilindedir,
ol adalatsyz höküm çykarmaz.

11 Dogry terezi we gapan Rebbiňkidir,
torba içindäki ähli çekim daşlary Onuň işidir.

12 Patyşanyň erbetlik etmegi ýigrençlikdir,
sebäbi tagt dogruçyllyk bilen berkarardyr.

13 Dogry söz patyşanyň göwnünden turýar,
ol dogry gepleýäni söýýär.

14 Patyşanyň gazaby ölüm çaparydyr,
ýöne parasatly adam ony köşeşdirýär.

15 Patyşanyň ýüzündäki nurda ýaşaýyş bardyr,
merhemeti ýaz ýagşyny getirýän bulut ýalydyr.

16 Danalyk almak altyndan gowudyr,
paýhas kümüşden oňatdyr.

17 Dogruçyllygyň şaýoly ýamanlykdan sowulýar,
ýoluna dykgat edýän öz janyny goraýandyr.

18 Heläkçilikden öň tekepbirlik,
ýykylmakdan öň gedemlik gelýändir.

19 Tekepbirler bilen olja paýlaşandan,
kiçigöwünli garyplaryň arasynda bolmak gowy.

20 Söze üns berýän rowaç tapar,
Rebbe ynanýan bolsa bagtlydyr.

21 Ýüregi parasatla paýhasly diýilýär,
ýakymly sözleýiş bilimi artdyrýar.

22 Akyl-paýhas eýesi üçin ýaşaýyş çeşmesidir,
akmak üçin akmaklyk jezadyr.

23 Danalygyň ýüregi dile paýhas berýär,
onuň sözüni ynançly edýär.

24 Ýakymly sözleýiş bal ýaly süýjüdir,
jana ýakymly, süňke şypadyr.

25 Ýol bardyr, adama dogry ýaly görünýär,
ýöne onuň soňy ölüme alyp barýar.

26 Zähmet çekdirýän onuň işdäsidir,
açlygy ony mejbur edýändir.

27 Ýamanlar erbetligi gazýandyr,
dili köýdüriji ot kimindir.

28 Egri adam dawa ýaýradýar,
gybatkeş dostlary biri-birinden
aýyrýar.

29 Zulum edýän ýakynyny aldap,
ýaman ýola salýar.

30 Gözüni gyrpýan egri işleri niýet
edýär,
dodagyny çöwürýän bolsa
ýamanlyk döredýär.

31 Dogrulyk ýolunda agaran saç
hormat täjidir.

32 Giň göwünli adam güýçlülerden
üstündir,
özüne erk edýän şäheri basyp
alandan üstündir.

33 Bije etege atylýar,
ýöne höküm Rebdendir.

## 17-nji bap

1 Rahatlykdaky bir döwüm gury nan
dawadan doly jaýdaky
meýlisden gowudyr.

2 Masgara ogluň üstünden paýhasly
gul höküm sürer
we doganlar hatarynda mirasa
şärik bolar.

3 Kümüş göweçde, altyn kürede
synalýan bolsa,
ýürekleri barlaýan Rebdir.

4 Ýamanlyk edýän erbet dodaklara
üns berýändir,
ýalançy ýaman niýetli dile
gulak asýandyr.

5 Garyby ýaňsylaýan Ýaradany
kemsidýändir,
betbagtlyga şatlanýan bolsa
jezasyz galmaz.

6 Agtyklar garry adamlaryň
täjidir,
ogullaryň şan-şöhraty bolsa
ene-atalarydyr.

7 Dürdäne söz akmaga ýaraşmasa,
aldawly söz hem asylzada hiç
gelişmeýär.

8 Para ony berýäniň gözüne bir
tumar kimindir,
ol nirä öwrülse, üstünlik
getirer.

9 Ýazygy geçýäni söýgi
höweslendirýändir,
dawa-jenjeli gaýtalaýan bolsa
dostuny ýitirýär.

10 Düşünjeli adama bir käýinç
akmaga urlan ýüz kötekden
agyrdyr.

11 Ýamanlar diňe bulagaýlyk
turuzýandyr,
olara garşy bolsa zalym çapar
gönderiler.

12 Akmagyň akylsyzlygyna duş
bolanyňdan,
çagasyny aldyran aýa duş
gelmek gowudyr.

13 Ýagşylyga ýamanlyk gaýtarýanyň
öýünden ýamanlyk gitmez.

[14] Dawa-jenjeliň başy böwsülen
böwet ýalydyr,
şonuň üçin ony tutaşmanka
bes et.

[15] Erbedi aklaýan bilen dogruçyl
adamy ýazgarýanyň ikisini-de
Reb ýigrenýändir.

[16] Näme üçin akmagyň elinde
danalyk almaga pul bolsun?
Onda öwrenmek niýeti ýok.

[17] Ýakynyň seni hemme wagt
söýýändir,
dogan kynçylykly pursadyň
üçin doglandyr.

[18] Düşünjesi kemlik edýän kemakyl
ýakynynyň deregine el berip
kepil bolýandyr.

[19] Ýazygy söýýän dawany söýýändir,
kim bosagasyny belent gursa,
süňküniň döwülmegine
garaşýandyr.

[20] Egri ýürek ýagşylyk tapmaýar,
egri dil bolsa, kynçylyga düşýär.

[21] Akmagyň atasy hasrat çeker,
akylsyzyň atasy şatlygy bilmez.

[22] Şadyýan ýürek oňat şypadyr,
synyk ruh süýegiňi guradýandyr.

[23] Adalat ýodalaryny ýoýmak üçin,
erbet adam gizlin para alýandyr.

[24] Düşünjeli adam danalyga
seredýändir,
akmagyň nazary ýeriň aňry
çetine.

[25] Akmak ogul atasyna hasrat,
dograna dertdir.

[26] Ýazyksyza jerime salmak
nädürsdir,
asylzada-da dogruçyllygy üçin
jeza bermek dürs däldir.

[27] Sözüni jylawlaýan bilimlidir,
düşünjeli adam bolsa mylaýym
ruhludyr.

[28] Akmak hem dymanda akylly,
agzyny ýumanda, düşünjeli
saýylýandyr.

**18-nji bap**

[1] Üzňelikde ýaşaýan öz islänini
edýändir,
ol ähli sagdyn öwüde garşy
gidýändir.

[2] Akmak adam düşünjeden däl-de,
diňe öz pikirini aýtmakdan
keýplenýändir.

[3] Erbetlik bilen ýigrenç gelýändir,
biabraýlyk bilen-de masgaraçylyk.

[4] Ynsanyň agzyndan çykýan sözler
düýpsüz suwlar kimindir,
danalyk bolsa joşup akýan
bulak mysalydyr.

[5] Hökümde erbediň tarapynda bolup,
dogruçyly haksyz çykarmak
dürs däldir.

[6] Akmagyň dili jenjel turuzýar,
onuň agzy taýagy çagyrýar.

[7] Akmaga dilinden bela gelýändir,
onuň dodagy janyna duzakdyr.

8 Gybatkeşiň sözleri datly lukma
ýalydyr,
olar garnyňa siňýär.

9 Işinde ýaltalyk edýän
ýumrujynyň doganydyr.

10 Rebbiň ady berk galadyr,
dogruçyllar onuň içine özüni
atyp howpsuz bolýarlar.

11 Baýlaryň baýlygy – olaryň berk
galasy,
onuň hyýalynda beýik haýat
kimindir.

12 Heläkçilikden öň adamyň ýüregi
tekepbir bolýandyr,
hormat pes göwünlilikden soň
gelýär.

13 Diňlemän jogap bermek
akmaklyk hem utançdyr.

14 Adamyň derdini ruhy çekip bilýär,
ýöne synyk ruha kim çydam eder.

15 Paýhasly adam bilim alýandyr,
danalygyň gulagy bilim
agtarýar.

16 Sowgat gapylary açýar,
emeldarlaryň ýanyna eltýär.

17 Başga biri gelip, oňa sorag
berýänçä,
dawada ilki geplän dogry ýaly
görünýändir.

18 Bije dawany togtadýandyr,
güýçli garşydaşlaryň
arasyndaky meseläni
çözýändir.

19 Öýkeli dogan içine aralaşyp
bolmaýan berk galadyr,
aralykdaky dawa bolsa, galanyň
gözenekli gapysy ýalydyr.

20 Adam agzynyň miwesinden
kanagatlanýar,
diliniň hasylyndan doýýar.

21 Ölümem, ýaşaýyşam diliň
ygtyýarynda,
dili söýýän hasylyndan iýer.

22 Gowy aýala gowşan gowulyk
tapýandyr
we Rebbiň razylygyny
gazanýandyr.

23 Garyp ýalbaryp gepleýändir,
baý bolsa gödek jogap
berýändir.

24 Dosty köp bolanyň heläkçiligi-de
bolar,
ýöne dogandan-da ýakyn dost
bar.

## 19-njy bap

1 Egri dilli akmakdan,
sadyklykda gezýän garyp
gowudyr.

2 Bilimsiz gaýrat ýagşy däldir,
Aşa howlugýan ýoluny ýitirýär.

3 Adamy öz akmaklygy ýykýar,
ýüreginden bolsa Rebbe
gaharlanýar.

4 Baýlyk tanyşlary beter köpeldýär,
garyp bolsa öz ýakynyndanam
aýrylýar.

5 Galp şaýat jezasyz galmaz,
ýalan sözleýänem gaçyp
gutulmaz.

6 Jomardyň ýüzüni küýseýänler köp,
hemmeler eli açyga dost.

7 Garyby hemme doganlary
ýigrenýän bolsa,
dostlary ondanam beter terk
edýär,
ýalbaryp yzyndan ylgasa, olar
eýýäm ýokdur.

8 Pähim-paýhas gazanýan özüni
söýýär,
düşünjeliligi saklaýan bolsa
rowaçlyk tapýar.

9 Galp şaýat jezasyz galmaz,
ýalan sözleýän hem heläk bolar.

10 Akmaga aýşy-eşretde ýaşamagyň
gelişmeýşi ýaly,
gula hem begiň üstünden
höküm sürmek has beter
gelişýän däldir.

11 Paýhasly adam giň göwünli
bolar,
ýazyk geçmek onuň şöhratydyr.

12 Patyşanyň gazaby arslan nagrasy
kimindir,
onuň razylygy bolsa otlaryň
üstüniň çygy ýalydyr.

13 Akmak ogul atasyna beladyr,
aýalyň igenji üznüksiz damja
ýalydyr.

14 Öý we mal-mülk atalardan miras,
ýöne paýhasly aýal Rebdendir.

15 Ýaltalyk gaflat ukusyna batyrýar,
ýalta adam açlyk çekýär.

16 Hudaýyň buýrugyny amal edýän
öz janyny goraýar,
ýollaryna üns bermeýän bolsa
öler.

17 Kim garyba merhemet edýän
bolsa, Rebbe karz berýär,
Reb onuň öwezini gaýtarar.

18 Umyt barka ogluňa temmi ber,
ýöne gaharyň gelip, ony heläk
etme.

19 Gaty gaharjaň adam jeza çeker,
eger ony halas etseň, muny ýene
gaýtalamaly bolarsyň.

20 Ahyr akylly bolaryň ýaly,
nesihata gulak goý, öwüdi
kabul et.

21 Adamyň ýüreginde niýet köpdür,
emma Rebbiň maksady amala
aşýar.

22 Adamdan garaşylýany
wepalylykdyr,
Garyp adam ýalançydan
ýagşydyr.

23 Kim Rebden gorkýan bolsa
ýaşar!
Ol kanagatly hem kynçylyksyz
ýaşar.

24 Ýalta tabaga uzadan elini
hatda agzyna ýetirmez.

25 Masgaralaýjyny ur, nadanlar
paýhaslylyk öwrener,

düşünjelini terbiýele, ol bilim
alar.

26 Atasyna zulum edýän we enesini
kowýan ogul
masgaralyk hem ysnat getirýär.

27 Oglum, eger bilimli sözlerden
azaşsaň,
öwüdi diňlemekden saklanarsyň.

28 Nämynasyp şaýat adalatyň
üstünden gülýär,
erbetleriň agzy ýamanlyk iýýär.

29 Masgaralaýjy üçin jeza,
akmagyň ýagyrnysyna urgy
taýýardyr.

## 20-nji bap

1 Şerap biabraý edýändir, çakyr
dawa-jenjel turuzýandyr.
Oňa aldanýanyň ählisi
akylsyzdyr.

2 Patyşanyň gazaby arslanyň
nagrasy kimindir,
onuň gaharyny getirýän öz
janyna töwekgellik edýändir.

3 Dawadan gaçmak adama abraý
getirýär,
bar akmak jedele taýýar.

4 Ýalta ýer sürmän,
orak wagtynda hasyl gözlär,
ýöne tapmaz.

5 Ynsanyň ýüregindäki pikir çuň
suw kimindir,
düşünjeli adam ony çekip
çykarar.

6 Köp adam özüne «Men wepaly»
diýýändir,
ýöne ynamdar birini kim tapyp
biler?

7 Dogruçyl sadyklykda ýöreýär,
onuň yzynda çagalary nähili
bagtly bolar!

8 Hökmürowan tagtynda oturýan
patyşa
ähli ýamanlygy gözleri bilen
saýgarýar.

9 «Ýüregimi tämizledim,
günäden päklendim» diýip,
kim aýdyp biler?

10 Iki dürli terezi daşynyň,
iki dürli ölçegiň ikisi hem
Rebbe ýigrenjidir.

11 Hatda çaga hem eden işiniň
päkdigini
ýa dogrudygyny öz hereketi
bilen aýan edýär.

12 Diňleýän gulagy, görýän gözi –
ikisinem Reb ýaradandyr.

13 Garyp bolmazyň ýaly, ukyny söýme,
gözüňi aç, nanyň bol bolar.

14 Satyn alýan: «Erbet, erbet»
diýýändir,
aňyrrak baryp bolsa öwýändir.

15 Altyn bar, jöwherem köpdür,
ýöne bilimli dil tapylgysyz
zatdyr.

16 Nätanşa kepil bolanyň geýimini al,
kesekä kepil bolandan girew al.

17 Hile bilen gazanylan nan süýjüdir,
soňra agzy çagyldan dolar.

18 Maksatlar maslahat bilen berkarar
bolýandyr;
sagdyn maslahatlar bilen urşa
git.

19 Gybatkeş syry paş edýändir,
agzyboş bilen gatnaşyk açma.

20 Ata-enesini näletleýäniň
tüm garaňkylykda çyrasy söner.

21 Başda basym alnan miras
soňunda bereketli bolmaz.

22 «Ýamanlygy ýerine salaryn»
diýme, Rebbe garaş,
Ol seni halas eder.

23 Galp terezi daşy Rebbe
ýigrenjidir,
hileli terezi hem gowy däldir.

24 Adamyň her ätjek ädimi
Rebdendir.
Şeýle bolansoň, adam öz ýoluna
nädip düşünsin?

25 Zadyny pähimsiz bagyş edýän
adam duzaga düşer,
ol äht edenden soň oýlanar.

26 Akylly patyşa erbetleri sowrup,
olaryň üstünde döwek döwýär.

27 Adamyň ruhy Rebbiň çyrasydyr,
ol ynsan kalbynyň bütin
jümmüşini barlaýar.

28 Sadyklyk we ynamdarlyk
patyşany goraýar,
onuň tagty sadyklykdan
berkarar bolýar.

29 Ýigitlik kuwwaty olaryň
şöhratydyr,
çal saçlar bolsa garrylaryň
abraýydyr.

30 Yz galdyrýan urgy ýamanlykdan
tämizleýär,
kötekler bolsa kalbyň
jümmüşini päkleýär.

## 21-nji bap

1 Patyşanyň ýüregi Rebbiň elinde
akar ýap ýalydyr,
ony islän tarapyna
öwürýändir.

2 Adamyň ähli ýoly öz gözüne
dogrudyr,
emma ýürekdäkini ölçeýän
Rebdir.

3 Dogrulyk we adalatlylyk etmek
Rebbe gurbanlyk berenden
ýakymlydyr.

4 Ulumsy nazar, tekepbir ýürek,
erbetleriň çyrasy günädir.

5 Janypkeşiň maksady diňe
bolçulyga getirýär,
alňasak adamlaryň bary mätäç
düşýändir.

6 Ýalan söz bilen toplanan hazyna
ölüme kowalap barýan
ümür-dumandyr.

7 Erbetleriň zorlugy özlerini
süpürip äkidýändir,

çünki olar adalaty berjaý
etmekden boýun gaçyrýandyr.

8 Ýazyklynyň ýoly egridir,
päkleriň bolşy dogrudyr.

9 Igenjeň aýal bilen öýde ýaşandan,
üçegiň bir burçunda ýaşamak
ýegdir.

10 Erbediň göwni ýamanlyk
küýseýär,
ýakyny onuň göwnünden
turmaýar.

11 Masgaralaýja jeza berlende,
nadan akylly bolýandyr,
dana adam tälim alanda,
bilimini artdyrýandyr.

12 Dogruçyl erbediň öýüni
synlaýar,
erbetler heläkçilige barýar.

13 Garybyň dady-perýadyna gulak
asmadygyň
öz dady-perýadyna-da jogap
berilmez.

14 Gizlin berlen sowgat gahary,
goltuga sokulan para güýçli
gazaby ýatyrýar.

15 Adalaty berjaý etmek dogruçyl
adama şatlykdyr,
ýaman iş edýäne heläkçilikdir.

16 Düşünje ýolundan sowlan
ölüler toparynda ornaşar.

17 Hezilligi söýýän mätäçdir,
şeraby we ýagy söýýän
baýamaz.

18 Erbetler dogruçyl üçin,
biwepalar hem sadyk üçin töleg
bolar.

19 Igenjeň hem gaharjaň aýal bilen
ýaşandan,
çölde ýaşamak gowudyr.

20 Arzyly hazyna hem ýag dananyň
jaýyndadyr,
akmak bolsa baryny symyşlar.

21 Dogruçyllyk hem sadyklyk
yzlaýan adam
ýaşaýyş hem hormat tapar.

22 Akyldar adam güýçlüleriň
şäherine baryp,
olaryň bil baglaýan
berkitmesini ýumurýar.

23 Agzyna we diline berk
janyny beladan goraýandyr.

24 Çendenaşa bihaýa iş edýän
gedem hem tekepbir adamyň
ady masgaralaýjydyr.

25 Ýaltany öz höwesi öldürýär,
çünki onuň elleri işden boýun
gaçyrýar.

26 Ol uzak gün açgözlük bilen isleýär,
dogruçyl bolsa ölçemän berýär
we gysganmaýar.

27 Erbetleriň gurbanlygy ýigrenjidir,
eger ol ýaman niýet bilen
getiren bolsa,
ondanam beterdir.

28 Galp şaýat heläk bolar,
diňleýän adamyň sözi dowam eder.

29 Erbet adam ýüzüni galňadýandyr,
dogruçyl adam bolsa öz ýoluny
oýlaýandyr.

30 Rebbe garşy durup biljek hiç bir
danalyk,
düşünje ýa-da maslahat ýokdur.

31 At söweş güni üçin seýislenýändir,
emma ýeňiş Rebdendir.

## 22-nji bap

1 Ýagşy at-abraý köp baýlykdan artyk,
sylag-hormat hem kümüş-
-altyndan ýagşydyr.

2 Baý bilen garybyň bir meňzeşligi
bar,
olaryň ikisini-de ýaradan Rebdir.

3 Paýhasly adam howpy görüp
gizlenýändir,
nadan göni gidip jeza alýandyr.

4 Kiçigöwünliligiň, Rebden
gorkmagyň
sylagy baýlyk, abraý we
ýaşaýyşdyr.

5 Egri adamyň ýolunda tikenler we
duzaklar bardyr.
Öz janyna haýpy gelýän olardan
daş durar.

6 Çagany dogry ýol bilen terbiýele,
ulalanda hem şondan sowulmaz.

7 Baýlar garyplaryň üstünden
höküm sürýändir,
bergili-de karz bereniň guludyr.

8 Adalatsyzlyk ekýän bela-beter orar,
gazabyň taýagyndan heläk bolar.

9 Sahy adam ýalkanýandyr,
çünki ol çöreginden ejizlere
berýär.

10 Masgaralaýjyny kow, şonda jenjel
ýok bolar,
töhmetdir-dawanyň yzy kesiler.

11 Päk ýürekliligi söýýän,
merhemetli sözleýän patyşanyň
ýakyny bolar.

12 Rebbiň gözleri bilimi goraýandyr,
wepasyzyň sözlerini bolsa
ýalana çykarýandyr.

13 Ýalta diýýär: «Daşarda arslan bar,
ýolda ol meni parçalar».

14 Azgyn aýalyň agzy düýpsüz
gorpdur,
Rebbiň gazabyna duşan oňa
ýykylar.

15 Çaganyň ýüreginde akmaklyk
kök urýandyr,
ýöne terbiýe taýagy
ony akmaklykdan
uzaklaşdyrýandyr.

16 Baý bolmak üçin garyplary ezýän
hem-de
baýlara sowgat berýän diňe
garyp düşer.

17 Gulak as-da, akyldarlaryň sözüni
diňle,
meniň öwretjek zatlaryma
dykgat et.

18 Sen olary kalbyňda saklasaň,
olaryň ählisi diliňde bolsa
ýakymly bolar.

19 Seniň Rebbe ynanjyň bolary ýaly,
men şu gün saňa, hut saňa
öwredýärin.

20-21 Gaýdanyňda seni ýollanlara
çyn söz hem ynamly jogap
bereriň ýaly,
men saňa maslahat hem bilim üçin
otuz nesihat ýazyp bereýin.

22 Garyby garyplygy sebäpli talama,
mätäji mejlisde ezme.

23 Çünki olaryň tarapyny Reb tutar,
olary talany Ol talar.

24-25 Olaryň ýollaryna öwrenişip,
janyňy duzaga düşürmeziň üçin,
gaharjaň adam bilen tirkeşme,
gyzma adam bilen gatnaşyk
açma.

26 Biri bilen el berişme,
birine kepil bolýanlardan bolma.

27 Tölemäge zadyň bolmasa,
aşagyňdaky düşegiňi
almazlarmy näme?

28 Ata-babaň goýan
gadymy araçäk daşyny
süýşürme.

29 Işine ökde adamlary görýäňmi?
Olar garamaýagyň hyzmatyny
etmez, patyşalaryň
huzurynda durar.

## 23-nji bap

1 Hökümdar bilen nahar iýmäge
oturanyňda,
öňüňde goýlana syn et.

2 Horan bolsaň,
bogazyňa pyçak goý.

3 Onuň näz-nygmatyna höwes etme,
çünki ol hileli çörekdir.

4 Baýajak bolup agyr zähmet
çekme,
pähimli bol, bu pikiriňden el çek.

5 Seniň gözüň baýlyga kaklyşanda,
şol baýlyk gidýändir,
çünki ol birden ganat çykaryp,
bürgüt ýaly asmana uçýandyr.

6 Gysganç adamyň çöregini iýme,
onuň lezzetli näz-nygmatlaryna
höwes etme.

7 Çünki ol içinden peýdasyny
hasaplaýan ýalydyr,
«Iý, iç!» diýýändir, ýöne ýüregi
seniň bilen däldir.

8 Iýen lukmaňy gusarsyň,
süýji sözleriňi ýele sowrarsyň.

9 Akmaga söz aýtma,
çünki ol aýdan danalygyňy
ýigrener.

10 Gadymy araçäk daşyny süýşürme,
ýetimleriň ekin ýerinden alma.

11 Çünki olaryň Hossary güýçli,
olaryň dawasyny seniň bilen Ol
tutar.

12 Kalbyňy öwüt-nesihata,
gulaklaryňy-da bilimli sözlere ber.

13 Terbiýäni çagalaryňdan gaýgyrma;
terbiýe taýagy olary öldürmez.

14 Eger sen olary taýak bilen ursaň,
janlaryny ölüler dünýäsinden
halas edersiň.

15 Oglum, seniň ýüregiň akylly
bolsa,
meniň ýüregim hem şatlanar.

16 Sen dogry sözläniňde,
meniň göwnüm şatlanar.

17 Günäkärlere gözüň gitmesin,
mydam Rebden gorkup gez.

18 Çünki seniň geljegiň bolar ahyryn,
umydyň üzülmez.

19 Oglum, diňle, sen akylly bol,
ýüregiňi dogry ýola sal.

20 Şerap içegenleriň ýa-da
et iýegenleriň arasynda bolma.

21 Çünki içegen we iýegen har düşer,
ukuçyllyk bolsa adama ýyrtyk
jul geýdirýändir.

22 Ataňy diňle, ol seni dünýä inderdi,
eneňi ýigrenme garran wagtynda.

23 Hakykaty satyn al, ony satma.
Danalygy, öwüdi, paýhasy hem
satyn al.

24 Dogruçylyň atasy köp begener,
parasatly perzendi dünýä
inderen, oňa guwanar.

25 Ata-eneň guwansyn,
seni dogran begensin.

26 Oglum, ýüregiňi maňa bagla,
gözleriňi meniň ýollaryma dik.

27 Çünki loly düýpsüz gorpdur,
kemçin-de dar guýudyr.

28 Ol garakçy kimin ýolda peýläp
durup,
wepasyzlaryň sanyny artdyrýar.

29 Ah çekýän kim? Wah çekýän kim?
Jenjel kimiňki? Nala kimiňki?
Sebäpsiz ýaralanan kim?
Gözleri gyzaran kim?

30 Şerabyň başynda uzak
oturýanlaryňky,
garyşyk içgini içip görýänleriňki.

31 Şerabyň alyna, pyýalada öwşün
atyşyna,
aňsatlyk bilen aşak sarkýanyna
bakma.

32 Soňunda ýylan kimin çakýandyr,
alahöwren bolup sokýandyr.

33 Gözleriň geň-taň zatlary görer,
seniň aňyň egri sözler aýdar.

34 Sen kä deňiz ortasynda ýatan ýaly,
kä gäminiň bogaldagynda
oturan ýaly bolarsyň.

35 «Meni urdular, agyry duýmadym;
meni ýençdiler, ony bilmedim.
Ýaňadan içmek üçin, haçan
turaryn?» diýersiň.

**24-nji bap**

1 Ýamanlara gözüň gitmesin,
olar bilen bile bolmak isleme.

2 Çünki olaryň göwni zorluk
barada pikir edýändir,

dilleri içigaraçylygy
gepleýändir.

3 Öý danalyk bilen gurulýandyr,
düşünje bilenem berkarar
edilýändir.

4 Bilim bilen öýüň içi
gymmatly hem ýakymly
baýlykdan dolýandyr.

5 Parasatly adam güýçlülerden
güýçlüdir,
bilimli adam öz güýjüni
artdyrar.

6 Çünki sen urşuňy sagdyn
maslahat bilen alyp
barýarsyň,
maslahatçynyň köp ýerinde
ýeňiş bardyr.

7 Akmak üçin danalyk örän
belentdedir,
mejlisde ol agzyny açyp
bilmeýär.

8 Niýetini ýamana dikýäne
pitneçi diýilýändir.

9 Akmaklygy niýetlemek günädir,
masgaralaýjy bolsa adamlara
ýigrenjidir.

10 Agyr günde tapdan düşseň,
seniň güýjüň azdyr.

11 Ölüme alnyp barylýanlary halas et,
büdräp barýanlary yzyna çek.

12 Eger sen: «Biz bilmedik» diýseň,
ýürekleri Synaýan muny
bilmezmi?
Seniň janyňy Goraýan ony
aňmazmy?
Ol her kime işine laýyk
gaýtarmazmy?

13 Oglum, bal iý, çünki ol
ýakymlydyr,
bal damagyňa datlydyr.

14 Danalyk hem seniň janyňa bal
ýalydyr,
ony tapsaň, geljegiňi taparsyň.
Umydyň üzülmez.

15 Erbet adam ýaly dogruçylyň
mesgenine garşy bukuda ýatma,
onuň ýurduny ýykma.

16 Çünki dogruçyl adam ýedi gezek
ýykylsa-da, ýerden galýandyr,
erbedi betbagtlyk ýykýandyr.

17 Duşmanyň ýykylanda şatlanma,
büdrese ýüregiň begenmesin.

18 Ýogsa ony Reb görüp, Ol senden
närazy bolar,
gaharyny duşmanyňdan sowar.

19 Ýamanlyk edýänler üçin
gaharyňy getirme,
erbetlere gözüň gitmesin.

20 Çünki olaryň geljegi bolmaz,
erbetleriň çyrasy öçer.

21 Oglum, Rebden hem patyşadan
gork.
Olara garşy pitneçiler bilen
gatnaşyk etme.

22 Çünki olaryň betbagtlygy
duýdansyz geler,

Reb hem patyşadan ýetjek
weýrançylygy kim biler?

23 Şular hem akyldarlaryň sözleridir:
Hökümde tarapgöýlik etmek
ýagşy däldir.

24 Erbede: «Sen dogrusyň» diýeni
halklar näletlär,
ony milletler ýigrener.

25 Karar çykarýanlaryň şähdi şat
bolar,
olara ýagşy alkyşlar geler.

26 Dogry jogap
dodagyňdan ogşalýan ýalydyr.

27 Daşardaky işleriňi bitir,
ekin meýdanyňy tertibe sal,
soňra öýüňi gur.

28 Ýakynyňa sebäpsiz ýere şaýatlyk
etme,
diliň bilen aldama.

29 «Maňa näme eden bolsa, menem
şony ederin,
etmişine görä gaýtararyn» diýme.

30 Men ýalta adamyň meýdanyndan,
kemakylyň üzüm bagynyň
gapdalyndan geçdim.

31 Ine, bar ýeri haşal ot basan eken,
üstüni bürmek örten eken,
daşyndaky diwary ýykylan eken.

32 Nazar saldym hem oýa batdym,
görenimden sapak aldym.

33-34 Birazajyk uklamak, biraz
irkilmek üçin,
gyşaryp gol gowşuranyňda,
garyplyk galtaman ýaly,
mätäçlik ýaragly adam mysaly
başyňdan iner.

## 25-nji bap

1 *Bular hem Süleýmanyň pähimleridir.*
*Olary Ýahuda patyşasy Hizkiýanyň*
*emeldarlary göçürip alypdyrlar.*

2 Ýaşyryn iş Hudaýyň şöhratydyr,
işi derňemek bolsa patyşanyň
şöhratydyr.

3 Asman belent, ýeriň aşagy çuň;
patyşanyň ýüregi hem
şeýledir,
ony derňäp bolýan däldir.

4 Kümüşden hapany aýyr,
zergäre bir gap bolar.

5 Erbet adamy patyşanyň
huzuryndan aýyr,
şonda tagt dogruçyllyk bilen
berkarar bolar.

6 Patyşanyň huzurynda özüňi
ýokary tutma,
beýikleriň ornunda durma.

7 Çünki asylzadalaryň öňünde
kiçelmegiňden,
emeldaryň saňa: «Töre geç»
diýmegi gowudyr.
Gözüň gören zadyny
8 derrew kaza getirme.
Soňra ýakynyň seni
utandyranda näme edersiň?

9 Dawany ýakynyň özi bilen et,
başganyň syryny paş etme.

10 Ýogsa eşiden adam seni uýada
goýar,
hemişe ýaman atly bolarsyň.

11 Ýerinde aýdylan söz kümüş
mejimäniň içinde goýlan
altyn alma ýalydyr.

12 Diňleýän gulaga akyldaryň
käýinji
tylla ysyrga we altyn bezeg
ýalydyr.

13 Sadyk ilçi özüni iberenler üçin,
orak wagtynda garyň
salkynlygy ýalydyr.
Ol öz hojaýynynyň nepesini
janlandyrar.

14 Berilmedik sowgat bilen
öwünýän adam
ýagmyrsyz bulut we boş ýel
ýalydyr.

15 Hökümdar sabyr bilen yrylýandyr,
mylaýym söz iň kütegiň hem
aňyna ýetýändir.

16 Bal tapdyňmy? Ýeterlik iý,
aşa düşüp gusaýma.

17 Ýakynyň öýüne ýygy-ýygy
barmakdan aýagyňy kes,
senden irip, seni ýigrenäýmesin.

18 Ýakynyna garşy galp şaýatlyk
edýän adam
gürzüdir, gylyçdyr, ýiti okdur.

19 Aladaly günde wepasyz adama
ynanmak,
çüýrük dişe we maýyp aýaga
ynanan ýalydyr.

20 Gamly ýürege aýdym aýtmak
sowuk howada geýim çykarmak
we ýara[a] sirke guýmak
ýalydyr.

21 Eger duşmanyň aç bolsa, oňa
nan ber,
suwsan bolsa suw ber.

22 Şonda onuň başyna köz
goýarsyň,
Reb seni sylaglar.

23 Demirgazyk ýeli ýagyş
getirýändir,
gybatkeş dil ýüzleri gaharly
edýändir.

24 Igenjeň aýal bilen öýde ýaşandan,
üçegiň bir burçunda ýaşamak
gowudyr.

25 Uzak ýurtdan gelen hoş habar
teşne bokurdaga sowuk suw
ýalydyr.

26 Erbetleriň öňünde ýan beren
dogruçyl adam
bulandyrylan çeşme, hapalanan
bulak mysalydyr.

27 Baly köp iýmek ýagşy däldir,
şöhratparazlykdan şöhrat
gözlemek gowy däldir.

28 Özüne buýrup bilmeýän kişi
diwarsyz, weýran edilen şäher
kimindir.

[a] **25:20** ***Ýara*** – käbir golýazmalarda *heke*.

## 26-njy bap

1 Tomusda gar we orak döwründe
ýagyn ýaly,
akmaga hem hormat ýaraşýan
däldir.

2 Serçäniň eýläk-beýläk uçuşy ýaly,
garlawajyň uçup gidişi kimin,
sebäpsiz näletem täsir etmez.

3 Ata gamçy, eşege nogta,
akmagyň ýagyrnysyna-da taýak
ýaraşýandyr.

4 Akylsyzyň akmaklygyna görä
jogap berme,
ýogsa senem oňa meňzärsiň.

5 Akylsyza akmaklygyna görä
jogap ber,
ýogsa özüni akylly saýar.

6 Akmagyň üsti bilen habar ýollaýan
özüne zyýan eder hem azap çeker.

7 Ysmazyň aýagy nähili salparýan
bolsa,
akmagyň agzyndaky pähim
hem şeýledir.

8 Daşy sapana berk daňyp goýan
adam nähili bolsa,
akmaga hormat goýýan-da
şeýledir.

9 Serhoşuň eline batan tiken nähili
bolsa,
pähim-de akmagyň agzynda
şeýledir.

10 Duş geleni ýaralaýan kemançy
nähili bolsa,
akmagy, bir ötegçini hakyna
tutýan hem şeýledir.

11 Öz gusugyna öwrülip gelýän it
nähili bolsa,
akmaklygyny gaýtalaýan
akmak hem şeýledir.

12 Öz gözüne akyldar görünýän
adamy gördüňmi?
Akmaga bolan umyt onuňkydan
köpdür.

13 Ýalta: «Köçede arslan,
ýolda ýolbars bar» diýýändir.

14 Gapy öz petlelerinde nähili
aýlanýan bolsa,
ýalta-da öz düşeginde
şeýledir.

15 Ýalta elini tabaga uzadyp,
ony agzyna ýetirmäge
ýadaýandyr.

16 Ýalta öz gözüne
sagdyn pikirli jogap berýän
ýedi kişiden-de akyllydyr.

17 Özüne degişli bolmadyk dawa
goşulýan
geçip barýan itiň gulagyndan
tutýan adam ýalydyr.

18-19 Öz ýakynyny aldap:
«Men oýun edýän ahyryn»
diýýän adam
gor, ok we ölüm ýagdyrýan kişi
ýalydyr.

20 Odun gutaranda, ot sönýändir,
şugulçynyň ýok ýerinde dawa
tükenýändir.

21 Kömür köz üçin, odun ot üçin,
jenjelçi dawa tutaşdyrmak üçin
gerek.

22 Gybatkeşiň sözleri datly lukma
kimindir,
olar hut içiňe siňýändir.

23 Süýji dilli hem ýaman ýürekli
adam
kümüş suwy çaýylan toýun gap
ýalydyr.

24 Ýigrenjini dili bilen örtýändir,
göwnünde bolsa hile saklaýandyr,

25 onuň mylaýym gepleýşine
ynanma,
çünki ýüreginde ýedi ýigrenç
bardyr.

26 Ýigrenjini hile bilen örtse-de,
ýamanlygy jemagata aýan
bolýandyr.

27 Kim gorp gazsa, oňa özi ýykylar,
kim ýokary daş togalasa, ol öz
üstüne gaýdar.

28 Ýalançy dil ynjydýan adamlaryny
ýigrenýändir,
ýaranjaňlyk edýän dil heläkçilik
döredýändir.

## 27-nji bap

1 Ertirki günüň barada öwünme,
çünki sen günüň näme
getirjegini bilýän dälsiň.

2 Seni öz agzyň däl, başgalar
öwsün,
öz diliň däl, keseki öwsün.

3 Daş agyrdyr, çäge ýükdür,
ýöne akmagyň meçew bermegi
ol ikisinden-de agyrdyr.

4 Gazap zabundyr, gahar sil kimindir,
emma gabanjaňlygyň öňünde
kim durup biler?

5 Açyk käýinç
ýaşyryn söýgüden gowudyr.

6 Dostuň salan ýarasy
wepalylykdandyr,
ýöne duşmanyň posalary
köpdür.

7 Dok adam baly ýigrenýändir,
aç kişä ajy zatlar hem süýjüdir.

8 Höwürtgesinden daş giden guş
nähili bolsa,
öz öýünden daşlaşan adam-da
şeýledir.

9 Hoşboý ýag we atyr ýüregi
şatlandyrýandyr,
ýakynyň ýakymy ýürekden
beren maslahatyndadyr.

10 Öz ýakynyňy, ataň ýakynyny terk
etme,
başyňa bela gelen güni doganyň
öýüne gitme,
uzakdaky dogandan, ýakyn
goňşy ýagşydyr.

11 Oglum, akylly bol, meniň
ýüregimi şatlandyr,
şonda gyjalat berseler, men
jogap bererin.

12 Paýhasly adam bela-beteri görüp
gizlenýändir,

nadan bolsa, öňe geçip zyýan
çekýändir.

13 Nätanşa kepil bolanyň geýimini al,
kesekä kepil bolandan girew al.

14 Biri daň-säher turup,
gaty ses bilen goňşusyndan
saglyk-amanlyk sorasa,
oňa nälet saýylar.

15-16 Igenjeň aýal hem üznüksiz
damýan damjalar
biri-birine meňzeşdir.
Ol aýaly saklamak
ýeli duruzmak ýa-da sag eliň
bilen ýagy gysymyňda
saklamak ýalydyr.

17 Demir demri,
adam adamy ýiteldýändir.

18 Injir agajyna seredýän onuň
miwesini iýer,
hojaýynyna seredýän hormatly
bolar.

19 Suwuň ýüzünde ýüzüň görnüşi
ýaly,
adam ýüreginde hem özi görünýär.

20 Ölüler dünýäsiniň we heläkçilik
ýeriniň doýmaýşy ýaly,
adamyň gözi-de asla doýýan
däldir.

21 Kümüş göweçde, altyn kürede
synalýan bolsa,
adam hem öwgüde synalýandyr.

22 Akmagy sokuda galla garyp,
sokudaşy bilen döwseň-de,
ondan akmaklygy aýrylmaz.

23 Öz sürüleriň ýagdaýyny ýagşy bil,
mallaryňa üns ber.

24 Çünki baýlyk ebedi däldir,
täç-de elmydama nesilden-nesle
geçýän däldir.

25 Otlar orlup, maýsa görnende,
daglaryň oty ýygnalanda,

26 toklular seni geýindirer,
tekeler meýdanyň bahasyny ödär.

27 Geçileriň süýdi seniň iýjegiň,
içeriň iýmiti, hyzmatkäriň
güzeranyna hem ýeterlik
bolar.

## 28-nji bap

1 Erbet adam hiç kim kowalamasa-
-da gaçýandyr,
dogruçyl bolsa arslan kimin
batyrdyr.

2 Ýurt gozgalaň etse, serdary
köpelýändir,
aň-düşünjeli adam arkaly bolsa,
abadanlyk dowam edýändir.

3 Ejizleri ezýän garyp
hasyly süpürip äkidýän çabga
ýalydyr.

4 Kanuny bozýanlar erbetleri
öwýändir,
kanuny saklaýanlar bolsa olar
bilen göreşýändir.

5 Ýaman adamlar adalata düşünýän
däldir,
Rebbi agtarýanlar bolsa oňa
doly düşünýändir.

6 Sadyk ýolda gezýän garyp
egri ýoldan ýöreýän baýdan
ýagşydyr.

7 Düşünjeli ogul kanuny
saklaýar,
horanlar bilen ýoldaş bolan
atasyna ysnat getirer.

8 Peýda we göterim bilen
baýlygyny artdyrýan
ony garyplara sahawat edýän
adam üçin ýygnaýandyr.

9 Kim kanuny diňlemezlik üçin
gulagyny dykýan bolsa,
onuň Hudaýdan dilegi-de
ýigrenjidir.

10 Kim dogruçyllary ýaman ýola
çekýän bolsa,
öz gazan gorpuna özi ýykylar.
Sadyklar bolsa ýagşylygy miras
alarlar.

11 Baý öz gözüne akyllydyr,
düşünjeli garyp bolsa ony
synlap tanaýandyr.

12 Dogrular üstün çykanda, uly
dabara bolýandyr,
emma erbetler güýje eýe bolsa,
adamlar bukulýandyr.

13 Ýazyklaryny ýaşyran üstünlik
gazanmaz,
olary boýun alyp terk etse,
merhemet tapar.

14 Mydama Rebden gorkýan adam
nähili bagtly!
Ýüregini gataldýanlar bolsa bela
uçraýar.

15 Ejiz halkyň erbet hökümdary
arlaýan arslan, topulýan aýy
ýalydyr.

16 Düşünjesiz hökümdar juda
zalymdyr,
adalatsyz gazanjy ýigrenýän
bolsa ömrüni uzaldýandyr.

17 Biriniň ganyna galan adam
gabra çenli gaçar,
ony hiç kim goldamasyn.

18 Sadyk gezýänler halas bolar,
egri ýolly adamlar bolsa
duýdansyz ýykylar.

19 Öz ýerini bejerýäniň nany bol
bolar,
boş işlere kowalaşýan
garyplyga duçar bolar.

20 Sadyk adamyň ýalkawy köp
bolar,
baýlygyň yzynda hars urýan
bolsa jezasyz galmaz.

21 Tarapgöý bolmak ýagşy däldir,
bir döwüm nan diýip ynsan
ýazykly bolar.

22 Gysganç adam baýlygyň yzynda
hars urup,
başyna garyplygyň geljegini
bilýän däldir.

23 Dili bilen ýaranjaňlyk edýänden,
birine käýeýän köp göwün
awlar.

24 Ata-enesini talap, ýene «Bu
ýazyk däldir» diýýän
garakçynyň şärigidir.

25 Açgöz adam jenjelçidir,
Rebbe bil baglaýan bolsa
doklukda ýaşar.

26 Özüne ynanýan akmakdyr,
parasatly gezýän bolsa
gutular.

27 Ýoksula ýardam edýän mätäç
bolmaz,
görmezlige salýan bolsa,
näletsiz galmaz.

28 Erbetler güýje eýe bolanda,
adamlar bukulýandyr,
olar heläk bolanda bolsa,
dogruçyllar güýçlenýändir.

## 29-njy bap

1 Köp gezek käýelse-de
boýnuýogynlyk edýän
duýdansyz heläkçilige uçrar,
melhem ýokdur.

2 Dogruçyllar güýçlenende, halk
begenýändir.
Erbetler höküm sürende, halk
ahy-nala çekýändir.

3 Danalygy söýýän ogul atasyny
şatlandyrýandyr,
emma lolulara ýaran bolan mal-
-mülküni ýoklaýandyr.

4 Patyşa ýurdy adalat bilen
berkidýändir,
para alýan bolsa ony
tozdurýandyr.

5 Ýakynyna ýaranjaňlyk edýän
adam
onuň aýagyna tor gurýandyr.

6 Ýaman adamyň ýazygy özüne
gapandyr,
dogruçyl bolsa aýdym aýdyp
şatlanýandyr.

7 Dogruçyl adam ejizleriň hakyna
üns berýändir,
erbet bolsa şu meselä
düşünýänem däldir.

8 Masgaralaýjy adamlar şäherde ot
gorsaýandyrlar,
akyldarlar bolsa gahar-gazaby
köşeşdirýändirler.

9 Akylly adam akmak bilen
kazyýetde dawalaşanda,
akmak gyzanda-da, gülende-de
rahatlyk bermez.

10 Ganhor aýypsyz adamlary
ýigrenýändir,
hatda dogry adamlaryň janyny
almakçy bolýandyr.

11 Akmak bar gaharyny daşyna
çykarýandyr,
akylly adam bolsa gaharyna
basalyk berýändir.

12 Hökümdar ýalan söze gulak
salsa,
onuň ähli emeldarlary erbet
bolar.

13 Garyp bilen zalymyň bir
meňzeşligi bar,
ikisiniň gözüne-de Reb
ýagtylyk berýär.

14 Patyşa ejizlere adalatly höküm
çykarsa,
onuň tagty ebedi berkarar bolar.

15 Taýak we käýinç danalyk
getirýändir,
başyna goýberilen çaga bolsa
enesini utanja goýýandyr.

16 Erbetler güýçlenende, ýazyk hem
köpelýändir,
dogruçyllar bolsa olaryň
ýykylýanyny görerler.

17 Ogluňy terbiýele, ol saňa rahatlyk
berer,
özüňe ýakymly bolar.

18 Gökden aýanlyk bolmasa, halk
jylawsyz bolýandyr.
Kanuny berjaý edýän bolsa
bagtlydyr.

19 Gul diňe söz bilen terbiýelenýän
däldir,
çünki düşünse-de gulak asmaz.

20 Oýlanman gepleýän adamy
gördüňmi?
Akmaga bolan umyt onuňkydan
köpdür.

21 Kim guluny ýaşlykdan
läliksireden bolsa,
soňunda ony mirasdary etmeli
bolar.

22 Gaharjaň adam jenjel turuzýandyr,
gazaply adam ýazyk etdirýändir.

23 Adamyň tekepbirligi ony
peseldýändir,
pesgöwünli adam bolsa hormat
gazanýandyr.

24 Ogry bilen şärik bolýan özüni
ýigrenýändir,
ol günälenmegi eşitse-de, hiç
gepläp bilmeýär.

25 Adamdan gorkmak duzakdyr,
Rebbe bil baglaýan bolsa aman
galýandyr.

26 Hökümdaryň gözüne ilmek
isleýän köpdür,
ýöne adam adalaty Rebden
alýandyr.

27 Adalatsyz adam dogruçyllara
ýigrenjidir,
dogry adam hem erbetlere
ýigrenjidir.

## 30-njy bap

1 *Massaly Ýakeniň ogly Aguryň wajyp sözleri*

Şol adam Itiýele sargaýar,
Itiýele we Ukala şeýle diýýär:

2 Men adam bolardan samsyk,
ynsan düşünjesi mende ýok.

3 Ne danalygy öwrendim,
ne Mukaddesi bildim.

4 Kim göge çykyp, aşak indi?
Ýeli owujynda toplan kim?
Suwlary geýiminde oran kim?
Kim ýeriň ähli uçlaryny
berkarar etdi?
Onuň ady näme? Onuň oglunyň
ady näme?
Bilýäňmi näme?

5 Hudaýyň her bir sözi sap
hakykatdyr.
Ol Özüne sygynýanlara
galkandyr.

6 Onuň sözlerine hiç zat goşma,
saňa käýinmesin, ýalançy
çykaýma.

7 Men Senden iki zat diledim,
ölmänkäm olary menden
gaýgyrma:

8-9 Galplygy, ýalan sözlüligi menden
daş et,
meni garyp hem, baý hem etme.
Dok bolup: «Rebbim kim?» diýip,
Seni inkär etmezim ýaly,
garyplykda ogurlyk edip,
Hudaýymyň adyna ysnat
getirmezim ýaly,
ýeterlik paýymy ber meniň.

10 Hyzmatkäri hojaýynyna ýamanlama,
ýogsa saňa gargyş eder, sen
ýazykly çykarsyň.

11 Şeýle adamlar bar, atasyna
gargaýandyr,
enesine alkyş edýän däldir.

12 Şeýle adamlar bar, özüni tämiz
saýýandyr,
aslynda bolsa haramlykdan
päklenen däldir.

13 Adamlar bar, bakyşy şeýle
tekepbir,
gabaklary nähili ýokary.

14 Şeýle adamlar bar,
ýer ýüzünden garyplary,
adamlar arasyndaky mätäçleri
symyşlamak üçin
dişleri gylyç, azylary pyçakdyr.

15 Sülügiň iki gyzy bar:
«Ber! Ber!» diýip gygyrýar.
Üç zat bardyr, hiç doýmaz,
has takygy dört zat «Besdir»
diýmez:

16 Ölüler dünýäsi, önelgesiz ýatgy,
suwdan ganmaýan toprak,
«Besdir» diýmeýän ot.

17 Atasyny masgaralap,
enesini diňlemän, har edýän
gözi
dere gargalary çokar, bürgütler
iýer.

18 Meni haýran galdyrýan üç
zat bar,
dogrusy dört zada akylym
ýetmeýär:

19 Gökde bürgüdiň ýoly,
gaýada ýylanyň ýoly,
deňizde gäminiň ýoly,
ýigidiň ulugyza bolan ýoly.

20 Zyna edýän aýalyň ýoly-da
şeýledir:
Ol iýýändir, agzyny süpürip:
«Ýaman iş edemok» diýýändir.

21 Üç zatdan ýer sarsýandyr,
ýagny dört zady göterip
bilmeýär:

22 Gul patyşa bolanda,
akmak iýmitden doýanda,

23 Halanmaýan garry gyz äre
çykanda,
gyrnak bikesiniň ornuny
eýeläninde.

24 Dünýäde dört maýda zat bar.
Ýöne olar gaty akyllydyrlar:

25 Garynjalar güýçli jandar däldirler,
azygyny welin tomusda
taýýarlaýandyrlar.

26 Gaýa torsuklary kuwwatsyz
jandardyr,
ýöne hinini gaýada gurýandyr.

27 Çekirtgeleriň patyşasy ýokdur,
ýöne ähli̇si sap-sap bolup
çykýandyr.

28 Kelpezäni el bilen tutup
bolýandyr,
ýöne patyşalaryň köşgünde
bolýandyr.

29 Gadamy owadan üç zat,
dogrusy ýörişi owadan dört zat
bardyr:

30 Haýwanlaryň iň batyry,
hiç birinden gaçmaýan arslan.

31 Magtanyp ýöreýän horaz we teke,
goşuny ýanynda bolan patyşa[a].

32 Eger sen akmak bolup özüňi
öwseň
ýa ýamanlygy niýet eden bolsaň,
onda eliňi agzyňa tut.

33 Çünki süýdi gysmakdan ýag,
burnuňy gysmakdan gan,
gazaby gysmakdan dawa
çykýandyr.

## 31-nji bap

1 *Massa patyşasy Lemuwala ejesiniň
öwreden wajyp sözleri*

2 Näme, oglum? Göwrämden önen
zürýadym!
Näme diýeýin, Hudaýdan diläp
alan oglum?

3 Güýjüňi hem ýollaryňy
patyşalary heläkleýän aýallara
berme.

4 Eý, Lemuwal, şerap içmek
patyşalara ýaraşmaz,
çakyr hökümdarlara gelişmez.

5 Olar içip, düzgüni unudaýmasynlar,
ähli ezilenleriň hakyny
ýoýaýmasynlar.

6 Çakyry heläk bolup barýana,
şeraby ajy hasrat çekýäne
bergin.

7 Olar içip, garyplygyny unutsyn,
azabyny ýada salmasyn.

8 Agzyňy dilsizler üçin,
hossarsyzlaryň haky üçin açgyn.

9 Geple, dogruçyllyk bilen höküm
çykar,
garybyň we mätäjiň hakyny
alyp ber.

10 Başarjaň aýaly kim tapyp bilýär?
Onuň gadyr-gymmaty
jöwherden ýokarydyr.

11 Äri oňa ýürekden bil baglaýandyr,
hiç zada mätäç bolmaz.

12 Ol ärine ýamanlyk däl-de,
bütin ömrüne ýagşylyk edýändir.

[a] **30:31** ***Goşuny ýanynda bolan patyşa*** – ýa-da *Patyşa garşy gozgalaň ýok.*

13 Ýüňi we zygyry saýlaýandyr,
elleri höwes bilen işleýändir.

14 Ol söwda gämileri ýaly,
içerisiniň iýjegini uzakdan
getirýändir.

15 Entek garaňkyka turup,
içerisine nahar, hyzmatkärlerine
tabşyryk berýändir.

16 Oýlanyp, ekin meýdanyny satyn
alýandyr,
eliniň gazanjy bilen üzümleri
oturdýandyr.

17 Bilini berk guşap,
gollaryna güýjüni toplaýandyr.

18 Harydynyň peýdasyny bilýändir,
çyrasy gijesine-de sönýän däldir.

19 Elini çarha goýýandyr,
barmaklary igi tutýandyr.

20 Garyba eli açykdyr,
mätäje elini uzadýandyr.

21 Içerisi üçin gardan gorkýan däldir,
çünki bütin içerisi galyň
geýinýändir.

22 Özi ýorgan köpeýändir,
lybasy nepis keteni we gyrmyzydyr.

23 Äri şäher derwezesiniň alnynda
tanalýar,
ýurduň ýaşulularynyň arasynda
oturýandyr.

24 Keteniden lybaslar tikip
satýandyr,
söwdagärlere guşaklar eltip
berýändir.

25 Güýç hem hormat onuň
lybasydyr.
Geljege seredip guwanýandyr.

26 Danalyk bilen sözleýändir,
dilinde oňat öwütler bardyr.

27 Içerisiniň işlerine oňat
seredýändir,
ýaltalyk çöregini iýýän däldir.

28 Çagalary turup, oňa alkyş
aýdýandyr,
äri hem turup, ony
taryplaýandyr:

29 «Başarjaňlyk bilen işleýän zenan
köpdür,
ýöne sen olaryň baryndan
ýokarysyň».

30 Görmegeýlik aldawçydyr,
owadanlyk puçdur,
diňe Rebden gorkýan aýal
taryplanýandyr.

31 Elleriniň miwesini oňa beriň,
goý, şäher derwezesinde ony
işleri öwsün.

# Wagyz kitaby

## Giriş

*Wagyz kitaby* patyşalyk süren Süleýman pygamber tarapyndan ýazylandyr. Ýewreý dilinde *kohelet* sözi «mugallym» ýa-da «wagyzçy» diýmegi aňladýar. Mukaddes Ýazgylaryň «Eýýup», «Süleýmanyň pähimleri», «Zebur» ýaly, «Wagyz kitaby» hem pähim-paýhasdan doludyr.

Wagyzçy öz kitabynda ynsanlaryň durmuşyna syn edip, ähli zadyň biderekdigini ýüze çykarýar (1:1). Birinjiden, ynsanlar näçe jan çekseler-de, durmuşyň mizemez asyl manysyna ýetip bilmeýärler. Ikinjiden, pähim-paýhas akmaklykdan gowy, emma şonda-da ynsan paýhasy ähli meseleleri çözüp bilmeýär. Üçünjiden, ynsanlar durmuşda bütinleý gapma-garşy bolan ýagdaýlara duş bolýarlar, ynsan paýhasy bu gapma-garşylyklary sazlaşdyryp bilmeýär. Şeýle ýagdaýlaryň iň erbedi hem ynsan ömrüniň hem haýwanlaryňky ýaly ölüm bilen tamamlanyp, olaryň topraga dolanmagydyr. Dördünjiden, Hudaý ynsanlary dogruçyl edip ýaratsa-da, olar hemişe başgalary öz bähbitleri üçin ulanmaga ymtylyp, Hudaýy närazy edýärler. Bäşinjiden, ynsanlar özlerinden soň, hatda ýakyn gelejekde nämeleriň boljakdygyny bilmeýärler. Altynjydan, Hudaý ynsanlary öz orunlaryny biler ýaly edýär. Iň soňkusy-da, Hudaý ähli zatlaryň tertibini we ornuny kesgitledi, ynsan olary üýtgedip bilmez. Şoňa görä-de, pähim-paýhas şulara eýermegi maslahat berýär:

1. Ynsandygyňa şükür edip, durmuşdan lezzet al.
2. Ýetip bilmejek maksatlaryňa ymtylma.
3. Durmuş ýörelgäňde paýhasly bol.
4. Hudaýdan gork we Onuň buýruklaryny berjaý et (12:13).

Wagyzçy öz kitabynyň ahyrynda Hudaýa ýüregimiziň töründen orun berip, Onuň buýruklaryna laýyklykda manyly, maksatly we şadyýan durmuşda ýaşamagy ündeýär.

***Mazmuny***


Durmuşyň manysy barmyka?........................................................ *1:1–2:26*
Durmuş barada pikir ýöretmeler.................................................... *3:1–11:8*
Jemleýji nesihat........................................................................... *11:9–12:8*
Soňky söz.......................................................................................*12:9-14*

## 1-nji bap

### *Bar zat biderekdir*

1 Bu Iýerusalimde patyşalyk eden Da-
wudyň ogly Wagyzçynyň sözleridir.
2 Wagyzçy: «Biderek! Biderek! Bary
biderek!» diýýär.
3 Ynsan Günüň astynda çekýän zäh-
metinden näme peýda tapýar? 4 Bir nesil
gidip, bir nesil gelýär; emma bu dünýä
ebedilik galýar. 5 Gün dogýar, ýaşýar; öz
dogjak ýerine tarap howlugýar. 6 Ýel gün-
orta tarap öwüsýär, soňra demirgazyga
öwrülýär. Ol töwerege aýlanyp-aýlanyp,
ýene öz aýlawyna dolanýar. 7 Ähli derýa-
lar deňze akýar, emma deňiz dolmaýar.
Derýalar täzeden akmak üçin öz akýan
ýerine dolanýarlar. 8 Bar zat irizýär. Mu-
ny söz bilen beýan edip bolmaz. Göz
görmekden doýmaýar, gulak-da eşit-
mekden. 9 Näme bolan bolsa, ýene şol
bolar, näme edilen bolsa, ýene şol ediler.
Günüň astynda täze zat ýok. 10 «Seret,
ine, şu täze» diýip boljak zat barmy? Ol
owaldan bardy, bizden öňem bolupdyr.
11 Öňki bolup geçeni hiç kim ýatlamaz;
indiki geljekler-de häzirki hem soňky
boljak zatlary ýatlamaz.

### *Paýhasa eýe bolmak salgyma çapmak ýalydyr*

12 Men, Wagyzçy, Iýerusalimde Ysra-
ýylyň patyşasydym. 13 Gögüň astynda
edilýän ähli zatlar barada paýhas bilen
gözleg hem barlag geçirmegi ýüregime
düwdüm. Işli bolsunlar diýip, bu Huda-
ýyň ynsanlara beren agyr ýumşudyr.
14 Günüň astynda edilýän ähli işleri gör-
düm; ine, bary biderek, salgyma çapmak.

15 «Egrini göneldip bolmaz; ýok
zady-da sanap bolmaz».

16 Öz-özüme şeýle diýdim: «Ine, men
beýik bolup, paýhasda özümden öň
Iýerusalimde hökmürowanlyk eden-
leriň hemmesinden ozdum. Ýüregim
paýhas bilen bilime baýdy». 17 Akyldar-
lyga, telbelikdir akmaklyga düşünmäge
ýüregimi berdim. Munuň-da salgyma
çapmakdygyny bildim.

18 «Paýhas näçe köp bolsa, gussa-da
şonça köpdür.
Bilimini artdyrýanlar, derdini-de
artdyrýandyrlar».

## 2-nji bap

### *Lezzet biderekdir*

1 Öz-özüme şeýle diýdim: «Gel, seni
lezzet bilen synaýyn, lezzet al». Emma
bu-da biderek boldy. 2 Gülki barada:
«Akmaklyk», lezzet barada: «Näme
peýda getirýär?» diýdim. 3 Bedenime
şerap bilen lezzet bermegi, akmaklyga
urmagy ýüregime düwdüm, ýüregim
maňa entegem paýhas bilen ýol görkez-
ýärdi. Men muny öz gysga ömürleriniň
dowamynda gögüň astynda ederleri ýaly,
ynsanlar üçin nämäniň ýagşydygyny
bilmek üçin etdim.
4 Beýik işler etdim: jaýlar gurdum,
üzüm agaçlaryny ekdim, 5 özüme bak-
jalar we seýil baglaryny edindim; olarda
her hili miweli agaçlary ekdim. 6 Ösüp
oturan baglary suwarmak üçin, ho-
wuzlar edindim. 7 Gullardyr gyrnaklar
satyn aldym; öz öýümde doglan gulla-
rym bardy, süri-süri mal-garam bardy.
Olar menden öň Iýerusalimde bolan-
laryňkydan köpdi. 8 Özüm üçin altyn,
kümüş we patyşalaryň, welaýatlaryň
hazynalaryny topladym. Erkekdir aýal
aýdymçylary hakyna tutdum. Islendik
erkegiň göwnüne ýaramly gözel gyrnak

aýallar edindim. [9]Şeýdip, men beýgelip,
özümden öň Iýerusalimde bolanlaryň
ählisinden ozdum. Paýhasym şonda-da
meniň bilendi. [10]Gözlerimiň islän za-
dyny gaýgyrmadym; ýüregimi hiç bir
lezzetden mahrum etmedim; kalbym
eden her işimden lezzet aldy. Bu çeken
ähli zähmetimiň muzdudy. [11]Onsoň
ellerimiň eden ähli işlerine, çeken ähli
zähmetime seretdim. Ine, bularyň bary
biderekdi, salgyma çapmakdy. Günüň
astynda hiç bir peýdaly zat ýokdy.

### *Akylly-da, akylsyz-da unudylar*

[12]Soňra men ünsümi akyldarlyga,
telbelige we akmaklyga tarap gönük-
dirdim. Patyşanyň ýerine geljek adam
eýýäm edilen işlerden başga näme
edip biler? [13]Ýagtylygyň garaňkylyk-
dan bähbitli bolşy kimin, akyldarlygyň
hem akmaklykdan bähbitlidigini bil-
dim. [14]«Akyllynyň gözleri başyndadyr;
akylsyz bolsa garaňkylykda gezýän-
dir. Emma hemmesiniň takdyrynyň
bir ekenligini bildim». [15]Onsoň men
öz-özüme: «Akylsyzyň başyna gelen
meniň-de başyma geler. Onda akylly bol-
magymyň peýdasy näme?» Öz-özüme:
«Bu-da biderek» diýdim. [16]Çünki akyl-
ly-da akylsyz kimin unudylar, geljekde
hemmeler unudylar. Näme üçin akylly
akylsyz kimin ölýär? [17]Şonuň üçin dur-
muşy ýigrendim, çünki Günüň astynda
edilýän işler maňa hasrat getirdi. Bary
biderek, salgyma çapmak.

[18]Men Günüň astynda çeken ähli
zähmetimi ýigrendim, çünki men bar
gazanjymy özümden soň geljege goýup
gitmeli. [19]Onuň akylly ýa-da akylsyz
boljakdygyny kim bilýär? Muňa gara-
mazdan, olar Günüň astynda paýhas
bilen çeken bütin zähmetime eýelik
ederler. Bu-da biderek. [20]Şeýdip, men
Günüň astynda çeken bütin zähmetim-
den umydymy üzdüm. [21]Çünki adam
paýhas, bilim we ussatlyk bilen zähmet
çekýär, ýöne ol baryny hiç bir zähmet
çekmedik başga adama galdyrmaly bol-
ýar. Bu-da biderek, uly adalatsyzlyk!
[22]Ynsanlar Günüň astynda çeken ähli
zähmetinden, özüne zor salmakdan nä-
me peýda tapýar? [23]Olaryň bütin ömri
dertden, zähmeti gussadan doly; ýü-
regi gijesine-de rahatlanmaýar. Bu-da
biderek!

[24]Adama iýip-içmekden we çeken
zähmetinden lezzet almakdan başga
gowy zat ýok. Emma munuň-da Hudaý-
dandygyna göz ýetirdim. [25]Çünki kim
Onsuz iýip, lezzet alyp bilýär? [26]Çünki
Hudaý paýhasy, bilimi we şatlygy Özü-
ni razy edene berýändir. Günäli adama
bolsa, Hudaýy razy edene bersin diýip
toplamak, ýygnamak işini berýär. Bu-da
biderek, salgyma çapmak.

## 3-nji bap

### *Her zadyň öz wagty bar*

[1]Her zadyň öz möwriti bar, gögüň
astynda her zadyň öz wagty bar:

[2] Dogulmagyň öz wagty bar,
ölmegiň öz wagty;
ekmegiň öz wagty bar, ormagyň
öz wagty.
[3] Öldürmegiň öz wagty bar, şypa
bermegiň öz wagty;
ýumurmagyň öz wagty bar,
dikeltmegiň öz wagty.
[4] Aglamagyň öz wagty bar,
gülmegiň öz wagty;
ýas tutmagyň öz wagty bar, tans
etmegiň öz wagty.
[5] Daşlary pytratmagyň öz wagty
bar,
daş üýşürmegiň öz wagty;

gujak açmagyň öz wagty bar,
ondan saklanmagyň öz wagty.
[6] Agtarmagyň öz wagty bar,
ýitirmegiň öz wagty,
saklamagyň öz wagty bar,
zyňmagyň öz wagty.
[7] Ýyrtmagyň öz wagty bar,
tikmegiň öz wagty;
dymmagyň öz wagty bar,
geplemegiň öz wagty.
[8] Söýmegiň öz wagty bar,
ýigrenmegiň öz wagty;
urşuň öz wagty bar,
parahatçylygyň öz wagty.

### *Ynsanyň paýy*

[9]Işleýäne çekýän zähmetinden näme
peýda bar? [10]Ynsanlara işli bolarlary
ýaly Hudaýyň beren işini gördüm. [11]Hu-
daý ähli zady öz wagtynda gözel etdi.
Şeýle hem ebediligi ynsanyň ýüregi-
ne saldy, ýöne şonda-da olar Hudaýyň
owaldan ahyra çenli eden işini aňlap
bilmezler. [12]Ynsan üçin şatlanmakdan
we ömürboýy ýagşylyk etmekden gowy
zadyň ýokdugyny bilýärin. [13]Her kesiň
iýip-içip, öz bar zähmetinden lezzet al-
magy Hudaýyň beren sylagydyr. [14]Men
Hudaýyň eden her işiniň ebedi galjak-
dygyny bilýärin; oňa hiç zady goşup
bolmaz, ondan hiç zady aýryp bolmaz.
Hudaý bu işlerini hemmeler Özünden
gorksunlar diýip etdi. [15]Häzir näme bar
bolsa, ol öň hem bolandyr; geljekde
boljak häzir hem bardyr. Hudaý öteni
ýene gaýtarýar.

[16]Men ýene Günüň astynda kazylykda
adalatyň deregine-de, dogrulygyň de-
regine-de pisligiň bardygyny gördüm.
[17]Içimden: «Hudaý dogry adama hem,
erbet adama hem kazylyk eder; çünki
Hudaýyň Özi her mesele, her iş üçin
wagt belledi» diýdim.
[18]Ynsanlar barada içimden: «Özleri-
niň haýwanlar ýalydyklaryny görsünler
diýip, Hudaý ynsanlary synaýar» diý-
dim. [19]Ynsanlaryň-da, haýwanlaryň-da
takdyry birdir. Biri nähili ölýän bolsa,
beýlekisi-de şeýle ölýär; hemmesiniň bir
demi bar; adam haýwandan üstün däldir,
çünki bary biderek. [20]Ählisi bir ýere gid-
ýär; ählisi toprakdandyr, ähli-si-de ýene
topraga dolanýar. [21]Ynsanlaryň ruhy ýo-
karyk galýarmy, haýwanlaryň ruhy aşak
ýere inýärmi, kim bilýär? [22]Şeýdip, men
ynsana öz eden işinden lezzet almakdan
başga ýagşy zadyň ýokdugyny gördüm,
çünki bu onuň muzdudyr. Dünýäden
ötenden soň, näme boljagyny görkezmek
üçin hiç kim ynsany yzyna getirip bilmez.

## 4-nji bap

### *Dünýäniň ezýetleri*

[1]Men ýene Günüň astynda edilýän bar
zulumlary gördüm. Ezilýänleriň göz-
ýaşlaryny gördüm, olara teselli berýän
ýokdy. Güýç olary ezýänleriň elindedi,
ezilýänlere teselli berýän ýokdy. [2-3]Bi-
reýýäm ölüp gidenleri dirilerden bagtly
saýdym. Emma entek dogulmadyk, Gü-
nüň astynda edilýän pis işleri görmedik,
bularyň ikisinden-de bagtlydyr.
[4]Men ýene-de bir adamyň bar çeken
zähmetiniň, ussatlyk bilen eden ähli iş-
leriniň goňşusyna bolan göriplik zerarly
edilendigini gördüm. Bu-da biderek,
salgyma çapmak.

[5] «Akylsyz goluny gowşuryp
oturyp, özüni heläk edýär».

[6]Emma bir owuç asudalyk iki owuç zäh-
metden we salgyma çapmakdan gowudyr.
[7]Men Günüň astynda ýene-de bir
bidereklik gördüm: [8]Ine, bir ýalňyz

adam bardy; onuň ne ogly bardy, ne-
-de dogany. Çekýän zähmetiniň soňy
ýokdy, ýöne şonda-da gözi baýlykdan
doýmaýardy. Ol: «Men kim üçin zähmet
çekýärin? Kim üçin özümi lezzet almak-
dan mahrum edýärin?» diýip sorady.
Bu-da biderek, ýowuz ýumuş.

9 Iki adam bir adamdan ýagşydyr, çün-
ki zähmetleri üçin ýagşy muzd alýarlar.
10 Eger biri ýykylsa, beýlekisi ýoldaşyny
galdyrar. Emma ýykylanda ýeke bolanyň
halyna waý! Ýykylsa ony galdyrjak ýok-
dur. 11 Iki kişi bile ýatsa, ýylnarlar; emma
ýeke kişi nähili ýylnyp biler? 12 Biriniň
ýeke kişiden üstün çykmagy ähtimal,
ýöne iki kişi oňa garşylyk görkezer. Üç
tar ýüp aňsatlyk bilen üzülmez.

13 Maslahata gulak goýmaýan gar-
ry, akylsyz patyşadan garyp, akylly
ýigit ýagşydyr. 14 Hakykatdan-da, öz
ýurdunda garyp doglan hem bolsa,
bendilikden boşan patyşa bolup biler.
15 Men Günüň astynda gezip ýören ähli
ynsanlaryň, patyşanyň ornuny eýelän
bu ýigidiň yzyna eýerýändigini gördüm.
16 Onuň baştutanlyk edýän ähli halky
san-sajaksyzdy. Emma soň gelenler
ondan razy bolmazlar. Elbetde, bu-da
biderek, salgyma çapmak. 17 Hudaýyň
öýüne giden mahalyň hereketleriňe
esewan et; Hudaýy diňlemek üçin hu-
zuryna gelmek, akylsyzlar tarapyndan
hödürlenen gurbanlykdan oňatdyr;
çünki olar ýamanlyk edýänlerini bil-
ýän däldirler.

## 5-nji bap

### *Hudaýdan gorkmaly*

1 Hiç haçan alňasaklyk bilen gepleme,
Hudaýyň huzurynda ýürek sözüni aýt-
maga howlukma; çünki Hudaý gökdedir,
sen ýerdesiň. Şonuň üçin az sözle.

2 Düýşüň gaýgy-aladanyň köpdügi
üçin gelşi ýaly, samsyk gep-de, köp
sözlülikden gelýändir.

3 Hudaýa aýdylan hudaýýolyňy gi-
jikdirme. Çünki Hudaý akylzyslardan
hoşal däldir; wadaňy berjaý et. 4 Wada
bermezlik wada berip, ony berjaý et-
mezlikden ýagşydyr. 5 Diliň saňa günä
etdirmesin; Hudaýyň ilçisiniň öňünde:
«Wadam säwlik» diýme. Näme üçin Hu-
daý seniň sözüňe gaharlanyp, elleriňiň
işini ýok etsin? 6 Köp hyýallylyk we boş
sözler biderekdir; sen Hudaýdan gork.

### *Ynsana zähmetinden lezzet almak ýaramlydyr*

7 Eger ýurtda garyplaryň ezilişini, ada-
latyň we dogrulygyň bozulyşyny görseň,
muňa haýran galma; çünki her ýokary
wezipeliniň üstünden özünden ýokary
baştutan goýulýar we olaryň üstünde
özlerinden ýokary bolanlar bar. 8 Hem-
meler ekin meýdandan peýda görýär,
hatda patyşa hem ondan girdeji alýar.

9 Puly söýýän, puldan doýmaz, baýlygy
söýýän-de, gazançdan. Bu-da biderek.
10 Harytlar köpelende, ony iýýänler-de
köpelýändir; gözleri bilen görmekden
başga eýesine ondan näme haýyr bar?

11 Az iýse-de, köp iýse-de, zähmetkeşiň
ukusy süýjüdir. Emma baýyň baýlygy
ony ukudan saklar.

12 Günüň astynda bir erbet dert gör-
düm: toplanan baýlyk eýesine zelel
getirdi. 13 Baýlyk betbagtçylyk bilen ýok
bolup gitdi. Çagalary bolsa-da, olara ber-
mäge hiç zat galmaz. 14 Enesinden nähili
doglan bolsa, bu dünýäden şeýle-de gider.
Zähmetinden hiç bir zady elinde göterip,
özi bilen äkidip bilmez. 15 Bu-da bir er-
bet dertdir: nähili gelen bolsa, şeýle-de
gider. Boş ýere çeken zähmetiniň oňa
näme haýry bar? 16 Ömürboýy çöregini

garaňkylyk, gaýgy-gussalyk, hassalyk
we gazap içinde iýýändir.
17Ine, meniň görenim şudur: ynsana
iýip-içip, Hudaýyň özüne beren gysga
ömrüniň içinde Günüň astynda çekýän
bütin zähmetinden lezzet almak ýaram-
lydyr; çünki bu onuň takdyrydyr. 18Şeýle
hem Hudaý bir adama baýlyk, mal-mülk
berip, oňa bulardan lezzet almaga, tak-
dyryna kaýyl bolup, öz zähmetinden
lezzet almaga kuwwat beren bolsa, bu
Hudaýyň peşgeşidir. 19Ynsan ömrüniň
günlerini köp ýatlamaz, çünki Hudaý
onuň kalbyny şatlyk bilen eýeleýär.

### 6-njy bap

***Ynsan üçin nämäniň gowudygyny kim bilýär?***

1Günüň astynda gören bir erbet zadym
bar, bu ynsana agram salýar. 2Hudaý
adama baýlyk, mal-mülk we abraý ber-
ýär, ähli islän zadyndan kemlik edýäni
ýok, ýöne oňa bulardan lezzet almaga
mümkinçilik bermeýär, ony bir keseki
iýýär. Bu biderek, erbet dertdir.
3Eger bir adam ýüz çaganyň atasy
bolup, köp ýyl ýaşasa, ömri uzak bolup,
ýöne durmuşyň näz-nygmatlaryndan
lezzet almasa, hormat bilen jaýlanyl-
masa, meniň üçin öli doglan çaga ondan
gowudyr. 4Çünki öli çaga biderek dogul-
ýar, garaňkylyk içinde ýitip gidýär, ady
garaňkylyga örtülýär. 5Şeýle hem ol ne
Güni gördi, ne-de bir zat bildi. Emma bu
çaganyň rahatlygy ol adamyňkydan ar-
tykdyr. 6Ol adam iki müň ýyl ýaşasa-da,
abadanlykdan lezzet alsa-da, ahyrynda
beýlekiler ýaly ol hem ötüp gitmeýärmi?
7Ynsanyň bar zähmeti agzy üçindir,
ýöne şonda-da ol hiç kanagatlanmaz.
8Akyllynyň akylsyzdan näme artygy
bar? Garyp ynsanlaryň öňünde nähili
gezmelidigini bilse-de, munuň oňa näme
haýry bar? 9Baryňa kanagat etmek kal-
byň arzuw etmesinden ýagşydyr. Bu-da
biderek, salgyma çapmak. 10Näme bar
bolsa, oňa eýýäm at goýlandyr; ynsanyň
nämedigi bellidir. Ol özünden güýçli
bilen dawalaşyp bilmez. 11Köp söz bide-
rekligi artdyrýar; munuň ynsana näme
peýdasy bar? 12Biderek durmuşynda,
kölege kimin geçip gidýän gysga öm-
rüniň günlerinde ynsan üçin nämäniň
gowudygyny kim bilýär? Bu dünýäden
gidenden soň, Günüň astynda näme
boljakdygyny ynsana kim aýdyp biler?

### 7-nji bap

***Danalaryň maslahaty***

1Ýagşy at hoşboý ysly ýagdan, ölüm gü-
ni dogluş gününden gowudyr. 2Ýas öýüne
gitmek toý öýüne gitmekden gowudyr.
Çünki her kesiň ahyry ölümdir; ýaşa-
ýanlar muny ýatda saklasynlar. 3Gussa
gülküden ýagşydyr, çünki ýüzüň gam-
gyn bolmagyndan ýürek gowulanýandyr.
4Akyllynyň ýüregi ýas öýündedir; akyl-
syzyň ýüregi bolsa hezillik öýündedir.
5Biakylyň aýdymyndan akyllynyň
käýinji ýagşydyr. 6Dogrudan-da, akyl-
syzyň gülküsi gazanyň astynda ýanýan
ýandagyň şatyrdysy ýalydyr. Bu-da
biderek. 7Haram gazanç akyllyny aky-
lyndan azaşdyrýar, para ýüregi azdyrýar.
8«Öňüm gelenden soňum gelsin» diý-
lendir; sabyrly tekepbirden gowudyr.
9Tizgahar bolma, çünki gahar akylsyz-
laryň gursagynda ornaşýar. 10«Näme
üçin geçen günler bu günden gowudy?»
diýip sorama, çünki bu sowaly paýhas
bilen soramaýarsyň.
11Danalyk miras kimin gowudyr;
dünýäde ýaşaýanlar üçin haýyrly-
dyr. 12Danalygyň saýasy puluň saýasy

kimindir. Bilimiň bähbidi budur: danalyk
oňa eýe bolanlara ýaşaýyş berýär.
13 Hudaýyň işine seret; Onuň egrel-
denini kim dograldyp bilýär? 14 Ýagşy
günde şat bol, gara günde muny ýatla:
ynsan özünden soň näme boljagyny
bilmesin diýip, Hudaý ýagşylygy-da,
betbagtlygy-da ýaratdy.

### *Netijesiz durmuş*

15 Netijesiz ömrümde bar zady gördüm:
dogry adam dogrulygynda ýok bolýar,
pis adam pisliginde ömrüni uzaldýar.
16 Öte dogry bolma, öte akyldarlyk etme.
Näme üçin özüňi heläk etjek? 17 Gaty
erbet bolma, akmagam bolma. Näme
üçin öz wagtyňdan öň ölmeli? 18 Bu
duýduryşlaryň birine ýapyşyp, beýleki-
sinden el çekmezligiň gowudyr, çünki
Hudaýdan gorkýan adam bulary tutar.
19 Paýhas dana adamy şäherdäki on
hökümdardan has güýçli edýändir.
20 Dogrusy, ýer ýüzünde diňe ýagşy-
lyk edip, hiç bir günä etmeýän dogry
adam ýok.
21 Adamlaryň diýýän her sözüne üns
berme, ýogsam hyzmatkäriň saňa ed-
ýän gargyşyny eşidersiň. 22 Seniň hem
başgalara telim gezek gargandygyňy
kalbyň bilýändir.
23 Bularyň baryny paýhas bilen syna-
dym; «Dana bolaryn» diýdim. Emma ol
menden uzakdy. 24 Uzak, gaty çuň bolan
zady kim tapyp biler? 25 Men akyldarlygy,
soraglarymyň jogabyny bilmäge, agta-
ryp tapmaga, pisligiň akmaklykdygyny,
akmaklygyň telbelikdigini bilmäge ýü-
regimi gönükdirdim.
26 Duzak kimin, ýüregi gapandyr tor
kimin, elleri zynjyr kimin bolan aýaly
ölümden ajy gördüm. Hudaýy hoşal
edýän adam ol aýaldan gaçyp gutulýar,
ýöne günäkär onuň eline düşýär.
27 Ine, Wagyzçy şeýle diýýär: «Sorагla-
rymyň jogabyny tapmak üçin bir-birden
sanap çykdym; 28 ýüregim öwran-öwran
agtardy, ýöne men tapmadym. Müň kişi-
niň arasyndan bir dogry adamy tapdym,
ýöne olaryň ählisiniň arasyndan bir dogry
aýaly-da tapmadym. 29 Ine, men muny bil-
dim: Hudaý ynsany dogry edip ýaratdy,
ýöne olar köp toslamalar oýlap tapdylar».

## 8-nji bap

1 Dana taý geljek barmy? Zatlaryň
manysyny kim bilýär? Paýhas ynsanyň
ýüzüni nurlandyrýar, oňa mähir berýär.

### *Patyşa gulak asyň*

2 Hudaýyň huzurynda patyşa sadyk
boljakdygyňa ant içendigiň üçin, onuň
tabşyryklaryny sakla. 3 Patyşanyň hu-
zuryndan çykmaga howlukma, ýaman
işiň tarapdary bolma, çünki patyşa is-
län zadyny edýändir. 4 Patyşanyň sözi
güýçlüdir. Kim oňa: «Näme edýärsiň?»
diýip biler? 5 Tabşyrygy berjaý edýäne
zelel ýetmez; dana adamyň ýüregi haçan
näme etmelidigini bilýändir. 6 Ynsanyň
derdi gaty agyr bolsa-da, her bir işiň öz
möwriti bardyr. 7 Ol hakykatdan näme
boljakdygyny bilýän däldir; kim oňa
näme boljakdygyny aýdyp biler? 8 Ýeli
saklamaga hiç kimiň güýji ýetýän däldir,
ölüm gününi saklamaga-da hiç kimiň
güýji ýetmez. Bu söweşden gaçyp bol-
maýşy ýaly, pislik-de pis adamy ölüm
gününden halas edip bilmez.

### *Pisler we dogrular*

9 Men bularyň hemmesini gördüm, Gü-
nüň astynda edilýän ähli işe üns berdim;
bir adamyň beýlekiniň üstünden aga-
lyk etmesi onuň zyýanynadyr. 10 Soňra
men pisleriň jaýlananyny gördüm: olar
mukaddes ýere gelip-giderdiler, eden

pislikleri üçin şäherde taryplanardylar.
Bu-da biderek. 11 Ýaman işe garşy hö-
kümiň tiz çykarylmaýandygy üçin,
ynsanlaryň ýüregi ýamanlyk etmäge
taýyndyr. 12 Günäkär ýüz gezek ýaman-
lyk edip, ömrüni uzaldýan bolsa-da, men
ýene Hudaýdan gorkýanlaryň gowulyk
görjekdigini bilýärin, çünki olar Onuň
huzurynda gorkýarlar. 13 Emma pis adam
gowulyk görmez, kölegäniň uzalyşy ýaly
onuň ömri uzalmaz, çünki ol Hudaýyň
huzurynda gorkýan däldir.

14 Ýer ýüzünde edilýän bir bidereklik
bar: pisleriň işine mynasyp bolaýjak zat
dogry adamlaryň başyna gelýär; dogry
adamlaryň işine mynasyp bolaýjak zat
pisleriň başyna gelýär. Men bu-da bide-
reklik diýýärin. 15 Şonuň üçin men lezzet
almaklygy makul görýärin, çünki Günüň
astynda ynsan üçin iýip-içmekden we
lezzet almakdan gowy zat ýok. Hudaýyň
Günüň astynda beren ömrüniň bütin
günlerinde çeken zähmetinden ynsana
hemra boljak diňe şatlykdyr.

16 Men paýhasy bilmegi, ynsanyň göz-
leriniň gije-gündiz uky görmän, ýer
ýüzünde edýän işini öwrenmegi niýe-
time düwdüm. 17 Şeýdip, Hudaýyň ähli
işlerini gördüm. Günüň astynda edilýän
işlere düşünip bolmaýar. Ynsan ony ag-
tarjak bolup, näçe synanyşsa-da, tapmaz,
hatda dana adam muny bilýändigini
aýtsa-da, tapyp bilmez.

## 9-njy bap

### *Hemmäniň takdyry birdir*

1 Bularyň hemmesini ýüregimde sak-
lap, şeýle netijä geldim: dogrular, dana
adamlar we olaryň işleri Hudaýyň elin-
de. Söýginiň garaşýandygyny ýa-da
ýigrenjiň garaşýandygyny ynsan bil-
ýän däldir. 2 Hemmäniň takdyry birdir:
dogruçylyň-da, pisiň-de, ýagşynyň-da,
ýamanyň-da, tämiziň-de, haramyň-da,
gurbanlyk berýäniň-de, gurbanlyk ber-
meýäniň-de takdyry birdir. Ýagşy adama
näme bolsa, günäkäre-de şol bolar; ant
içýäne näme bolsa, ant içmekden gork-
ýana-da şeýle bolar. 3 Günüň astynda
edilýän işleriň iň ýamany şudur: hemmä-
niň takdyry bir. Ine, ynsanlaryň ýüregi
pislikden doludyr; ömürleriniň dowa-
mynda ýüreklerinde telbelik bar. Soňra
olar ölülere goşulýandyrlar. 4 Ähli ýaşa-
ýanlaryň arasyndaky her kes üçin umyt
bar; çünki diri it öli ýolbarsdan ýagşydyr.
5 Ýaşaýanlar öljekdigini bilýändirler, ýö-
ne ölüler hiç zat bilýän däldir. Olar üçin
mundan beýläk peşgeş bolmaz, hatda
olary ýatlamazlar hem. 6 Olaryň söýgüsi,
ýigrenji we gabanjaňlygy eýýäm ýok
bolandyr. Ölüler Günüň astynda bolup
geçýän ähli zatlara goşulyp bilmezler.

7 Git-de, çöregiňi şatlyk bilen iý, şera-
byňy göwnühoşluk bilen iç; çünki Hudaý
seniň eden işleriňden eýýäm razy boldy.
8 Eşigiň mydama ak bolsun; başyňyň
hoşboý ysly ýagy kemlik etmesin. 9 Gü-
nüň astynda özüňe berlen boş ömrüň
bütin dowamynda söýýän aýalyň bilen
durmuşdan lezzet al, çünki durmuşdan,
Günüň astynda çekýän zähmetiňden
galan paýyň budur. 10 Eliň etmäge näme
tapsa, ony bar güýjüň bilen et, çünki
seniň barýan ölüler diýaryňda ne iş, ne
düşünje, ne bilim, ne-de danalyk bolar.

11 Günüň astynda ýene bir zat gör-
düm: ýaryş ýüwrükleriňki däl,
söweş-de güýçlüleriňki; çörek dana-
laryňky däl, baýlyk-da düşünjeliniňki;
mähir-de bilimliniňki däldir. Çünki her
kes amatsyz wagta we hadysa duçar
bolýandyr. 12 Ynsan haçan hasrat geljek-
digini bilýän däldir. Zalym tora düşen
balyklar kimin, duzaga düşen guşlar

kimin ynsanlar hem üstüne betbagtlyk
duýdansyz inende, tora düşýärler.

### *Danalyk we nadanlyk hakdaky oýlanmalar*

13 Günüň astynda men ýene bir dana-
lygy gördüm, meniňçe ol juda wajyp.
14 Az ilatly bir kiçi şäher bardy. Bir güýçli
patyşa oňa hüjüm edip, ony gabady;
garşysyna äpet gabaw desgalaryny
gurdurdy. 15 Bu şäherde bir dana ga-
ryp tapyldy, ol şäheri paýhasy bilen
halas etdi. Emma hiç kim bu garyby
ýatlamady. 16 Onsoň men diýdim: «Da-
nalyk güýçden gowudyr», ýöne garyp
adamyň paýhasy äsgerilmeýär, onuň
sözleri eşidilmeýär. 17 Akyllynyň imi-
salalykda aýdan sözleri, akylsyzlaryň
arasyndaky hökümdaryň gykylygyndan
gowudyr. 18 Akyldarlyk uruş ýaragla-
ryndan gowudyr, ýöne bir günäkär köp
ýagşylyklary ýok edýändir.

## 10-njy bap

1 Öli siňekleriň atyrçynyň ýagyny
porsadyp zaýalaýşy ýaly, azajyk ak-
maklyk-da akyldarlygy we hormaty
haraplaýandyr. 2 Akyllynyň ýüregi dog-
rulyga tarap, akylsyzyň ýüregi bolsa
egrilige tarapdyr. 3 Akylsyz ýolda ýö-
ränd-de, düşünjesi kemlik edýändir, ol
akmakdygyny hemmelere äşgär edýän-
dir. 4 Hökümdaryň saňa gahary gelse-de,
ýeriňi taşlap gitme, çünki mylaýymlyk
uly ýazyklaryň üstüni örtýändir.
5 Günüň astynda ýene-de bir ýaman-
lyk gördüm. Bu hökümdar tarapyndan
goýberilýän säwlikdir: 6 Akmak ýokary
ýerlerde goýulýar, baý pes ýerde oturýar.
7 Men at münýän gullary, gullar ýaly
pyýada ýöreýän hökümdarlary gördüm.
8 Çukura ony gazýanyň özi gaçýandyr;
diwary deşýäni ýylan çakýandyr. 9 Daş
kesýäne daşlardan şikes ýeter; odun
aýyrýan özüne howp salar.
10 Eger palta kütek bolsa, ýüzi ýi-
teldilmese, oňa köpräk güýç sarp
etmeli bolýandyr. Danalyk bolsa üs-
tünlige eltýändir.
11 Eger ýylan owsunmazdan öň çaksa,
owsunçynyň peýdasy ýokdur.
12 Akyllynyň sözleri oňa hormat ge-
tirer, akylsyzyň sözleri bolsa ony heläk
eder. 13 Dilindäki sözleri akmaklyk bilen
başlanyp, ýaman telbelik bilen gutarýar.
14 Akylsyz köp gepleýändir. Hiç kim näme
boljagyny bilýän däldir. Kim oňa özün-
den soň näme boljakdygyny aýdyp biler?
15 Akylsyzyň zähmeti ony ýadadýan-
dyr, hatda ol şähere gidýän ýoly-da
bilýän däldir.
16 Eý, juwan patyşaly, hökümdarlary
ertirine meýlis guryan ýurt, dat günüňe!
17 Şasy asylzada, hökümdarlary serhoşlyk
üçin däl-de, güýçlenmek üçin öz wag-
tynda meýlis guryan ýurt bagtlydyr!
18 Ýaltalyk zerarly üçek çökýändir, işsiz
eller zerarly öýe suw geçýändir.
19 Meýlis keýpi-sapa üçin edilýändir,
şerap durmuşa şatlyk berýändir, pul her
mätäçligiň öwezini dolýandyr.
20 Patyşa hatda içiňden-de gargama, öz
ýatýan otagyňda baýa gargama, çünki
gökdäki guş habar äkider, ganatly guş
sözüňi ýetirer.

## 11-nji bap

### *Zähmetiň möhümligi*

1 Nany suwa at, birnäçe günden ýene
ony taparsyň. 2 Emlägiňi ýedi, hatda
sekiz kişä paýla, çünki sen bu dünýä-
de nähili betbagtçylygyň boljakdygyny
bilýän dälsiň. 3 Gara bulut ýagyş ýagdyr-
ýandyr. Günorta ýa demirgazyga tarap
ýykylan agaç ýykylan ýerinde galar.

4 Ýele seredýän ekin ekmez; bulutlara
bakýan orak ormaz.
5 Ýeliň ýoluny we göwreli enäniň
göwresindäki çaga nädip jan girýänini
bilmeýşiň ýaly, sen hemme zady ýara-
dan Hudaýyň işlerini-de bilýän dälsiň.
6 Tohumyňy irden sep, agşam-da eliň
boş durmasyn. Çünki sen haýsy işiň
bähbitli boljakdygyny bilýän dälsiň.

### *Juwanlara maslahat*

7 Yşyk gözeldir. Güni görmek gözlere
hoş ýakýandyr. 8 Uzak ýyllap ýaşaýan-
lar hem her bir ýaşan güne şatlansynlar,
ýöne köp garaňky günleriň boljakdy-
gyny-da unutmasynlar. Bar bolýan zat
biderekdir.
9 Eý, ýaş ýigit, ýaşlygyňda şatlan; goý,
ýüregiň seni juwan günleriňde begen-
dirsin. Ýüregiň isläni bilen, gözleriň
göreni bilen git. Emma bilip goý, bularyň
hemmesi üçin Hudaý saňa kazylyk eder.
10 Gaýgyny ýüregiňden çykar, azaby
bedeniňden daşlaşdyr, çünki ýaşlyk-da,
juwanlyk-da gysga wagtlykdyr.

## 12-nji bap

1 Juwanlygyňda, agyr günler gelmänkä,
«olardan lezzet almaryn» diýjek ýyllaryň
golaýlaşmanka, özüňi Ýaradany ýatla.
2 Seniň üçin Gün, yşyk, Aý, ýyldyzlar
garalmanka, ýagyşdan soň bulutlar yzy-
na gaýtmanka, Ony ýatla. 3 Şol gün öýi
goraýanlar titreşerler, güýçli adamlar
eglerler, el degirmeni bilen däne üwe-
ýänler işini togtadarlar, sebäbi olaryň
sany azdyr, penjireden seredýänleriň
gözleri garaňkyraýar. 4 Köçä açylan ga-
pylar ýapylar, degirmeniň sesi kesiler;
adamlar guş sesine oýanarlar, gyzlaryň
nagmasy kesiler. 5 Beýiklikden gorkarlar,
ýollar gorkuly bolar; badam agajy güllär,
çekirtge özüni zor bilen çeker, höwes
ýiter, çünki ynsan öz ebedi öýüne gider,
ýas tutýanlar köçelerde aýlanyşarlar.
6 Kümüş zynjyr gyrylmanka, altyn käse
döwülmänkä, bulak başyndaky küýze
owranmanka, guýynyň başyndaky çarh
döwülmänkä, 7 ýerdäki toprak owalky
ýagdaýyna öwrülmänkä, ruh ony beren
Hudaýyň ýanyna dolanyp barmanka,
özüňi Ýaradany ýatla. 8 Wagyzçy: «Bi-
derek! Biderek! Bary biderek!» diýýär.

### *Soňky söz*

9 Wagyzçy dana bolmakdan başga-da
halka bilim hem öwretdi. Ol gözleg
geçirip, öwrenip, köp pähimleri ýer-
li-ýerinde goýdy. 10 Wagyzçy ýakymly
sözleri tapmaga çalyşdy. Onuň ýazanlary
dogry we hak sözlerdi.
11 Dananyň sözleri çişler kimindir;
toplanan pähimli sözler berk kakylan
çüýler ýalydyr. Pähimli sözler bir ço-
pan tarapyndan berlendir. 12 Bulardan
başga-da, eý, oglum, sak bol. Köp kitap
ýazmagyň soňy ýokdur, köp okamak
beden üçin argynlykdyr.
13 Hemme zat aýdyldy. Netije şudur:
Hudaýdan gork we Onuň tabşyryklaryny
sakla, çünki bu ynsanyň esasy borjudyr;
14 her bir işe, gizlin bolan her işe – isle
ýagşy bolsun, isle ýaman – Hudaý ka-
zylyk eder.

# Nagmalar nagmasy

## Giriş

*Nagmalar nagmasy* kitaby adyndan belli bolşy ýaly, iň saýlama, iň gözel nagmalaryň ýygyndysydyr. Bu nagmalaryň käbiri patyşalyk süren Süleýman pygamber tarapyndan ýazylan bolsa, käsi ol barada ýa-da onuň üçin ýazylandyr.

*Süleýmanyň pähimleri* kitabynda danalygyň zenan keşbinde suratlandyrylyşy ýaly (8:1), bu kitapdaky nagmaçynyň sesi hem zenana degişlidir. Ol öz nagmalarynda söýginiň gözelligini, söýgüli ýarynyň owadanlygyny wasp edýär.

Kitap öwüt-ündew äheňinde ýazylandyr. Ol söýgüli ýarlaryň nikadaky lezzetli gatnaşyklarynyň Hudaý tarapyn ozaldan kesgitlenendigini belleýär. Bu gatnaşyklar lezzetden doly we diýseň ajaýypdyr! Emma käbir adamlar bu nagmalar Hudaý bilen ysraýyl halkynyň ýa-da Isa Mesih bilen imanlylar ýygnagynyň gatnaşyklaryny wasp edýär diýip düşünýärler.

Kitabyň asyl nusgasy ýewreý dilinde ajaýyp goşgular görnüşinde ýazylandyr. Şonuň üçin-de, ol türkmen diline hem mümkin boldugyndan şahyranalyk bilen terjime edildi.

***Mazmuny***


Birinji nagma ........ *1:1–2:7*
Ikinji nagma ........ *2:8–3:5*
Üçünji nagma ........ *3:6–5:1*
Dördünji nagma ........ *5:2–6:3*
Bäşinji nagma ........ *6:4–8:4*
Altynjy nagma ........ *8:5-14*


---

### 1-nji bap

*Süleýmanyň nagmalar nagmasy*

*Gyz:*

1 Dodaklary bilen, goý, meni
öpsün!
Çünki şerapdan datlydyr söýgiň!
2 Müşki-anbarlaryň neneňsi hoşboý,
adyň-da dökülen atyr deý,
şonuň üçin gyzlar söýýärler seni.
3 Meni özüň bilen alaý, howlugaly.
Şazadam meni içki otagyna
getirdi.

*Gyzyň boýdaşlary:*

Seniň üçin şatlanaly we
guwanaly;
şerapdanam zyýada taryplaly
seniň yşkyňy.

*Gyz:*

Sen olaryň söýgüsine mynasyp!

4 Eý, Iýerusalim gyzlary,
garaýagyz-da bolsam,
görmegeýdirin,
gara men Kedaryň çadyrlary deý,
owadan men Süleýmanyň
perdeleri deý.
5 Garaýagyzlygyma bakmaň,
Gün garaltdy meni.
Enemiň ogullary maňa
gaharlandylar;
üzüm bagyna meni sakçy
goýdular,
ýöne öz üzüm bagyma bakyp
bilmedim.
6 Eý, köňlümiň aşygy, aýtsana maňa,
nirede bakýaň süriňi?
Günorta çagy olara nirede dynç
berýäň?
Ýoldaşlaryňyň sürüleriniň
ýanynda
näme üçin sergezdan zenan dek
bolaýyn?

*Ýigit:*

7 Eý, gözelleriň soltany!
Eger bilmeseň,
süriniň yzy bilen git,
çopanlaryň çadyrynyň ýanynda
owlaklaryňy bak.
8 Faraonyň söweş arabasyna
goşulan
baýtala meňzedýän seni,
eý, meniň magşugym!
9 Şelpeli ýaňaklaryň,
hünjüli boýnuň ne gözel!
10 Kümüş düwmeli
tylla şelpeler ýasarys saňa.

*Gyz:*

11 Şazadam suprasynda otyrka,
nard atyrym hoşboý ysyny
saçdy.
12 Aşygym meniň üçin
göwüslerimiň arasynda ýatýan
mür [a] bogdajygydyr.
13 Aşygym meniň üçin
Eýngedi üzüm baglaryndaky
hyna gülleriniň çogdamydyr.

*Ýigit:*

14 Sen neneňsi gözel,
Söýgüli dildarym, meniň!
Sen neneňsi gözel,
gögerçin gözlim!

*Gyz:*

15 Gör, nähili syratly sen,
eý, meniň söýgüli ýarym,
neneňsi hoşroý sen!
Gök maýsalykdyr ýatýan
ýerimiz.
16 Kedrdendir diregleri öýmüziň,
arçadandyr üçegi.

**2-nji bap**

1 Men Şaronyň bägüli,
dereleriň çigildemidirin.

*Ýigit:*

2 Tiken arasyndaky çigildemdir
dildarym,
gyzlar içinde.

---

[a] **1:12** ***Mür*** – ýakymly ysly ösümlik. Sözlüge seret.

*Gyz:*

3 Jeňňel agaçlarynyň arasyndaky
alma agajy deý,
ýigitleriň arasynda söýgüli ýarym.
Lezzetlidir maňa saýasy onuň,
miwesiniň tagamy agzymdan
gitmez.
4 Ol meni meýlishana getirdi,
maňa söýgi meýli bardy onda.
5 Kişmişler bilen meni güýçlendir,
gurplandyr almalar bilen,
çünki yşk heseri meni gaplady.
6 Sol eli kellämiň astynda,
gujaklaýar meni sag eli bilen.
7 Eý, Iýerusalim gyzlary,
jerenlerdir çöl marallaryndan
ant içýärin:
özi isleýänçä
yşky oýarmaň, birahatlandyrmaň!

***Bahar aýdymy***

8 Ýarymyň owazydyr bu!
Ine, ol daglaryň üstünde bökjekläp,
depeleriň üstünde towsaklap
gelýär.
9 Jerene,
keýik owlagyna meňzeýär
dildarym.
Ine, ol howlymyzyň daşynda
durup,
penjirelerden garaýar,
gözeneklerden seredýär.
10 Söýgülim maňa şeýle diýdi:
«Tur, dildarym, gözelim tur,
ýör bile gideli.
11 Gyş ötdi,
ýagyş-da diňdi.
12 Ýerde güller açylyp,
nagma pursady geldi.
Ülkämizde gumrynyň
owazy eşidilýär.
13 Injir miwesini düwýär,
üzümler gül açýar,
hoşboý ysyny saçýar.
Tur, dildarym,
gözelim, ýör bile gideli».

*Ýigit:*

14 Gaýa gowaklaryndaky,
uçut kenardaky gögerçinim,
jemalyňy göreýin,
eşideýin seniň owazyň,
şirin owazyň,
jemalyň-da ajaýypdyr.

*Gyz:*

15 Bize tilkileri,
üzüm baglaryny weýran edýän
tilkijikleri tutup beriň,
çünki üzüm baglarymyz gül açýar.
16 Söýgülim meniňki, men-de
onuňkydyryn;
sürüsini çigildemleriň arasynda
bakýar ol.
17 Daň atyp,
kölegeler ýitýänçä,
dolan yzyňa, söýgülim,
Beser daglaryndaky [a] jeren deý,
keýik owlagy deý bol!

## 3-nji bap

***Yşk arzuwy***

1 Köňül aşygymy gije
düşegimden agtardym;
gözläp tapmadym ony.
2 Indi turup, şähere çykaryn,
köçelerden, meýdançalardan
köňül aşygymy agtararyn.
Gözläp tapmadym ony.
3 Aýlanyp ýören,

---

[a] **2:17 *Beser daglary*** – ýa-da *beýikli-pesli daglar.*

şäher gözegçileri
duşdy maňa.
Olardan: «Köňül aşygymy
gördüňizmi?» diýip soradym.
4 Olaryň deňinden geçen dessime,
köňül aşygymy tapdym men.
Ony saklap, enemiň öýüne,
meni dogranyň otagyna
getirýänçäm, goýbermedim.
5 Eý, Iýerusalim gyzlary,
jerenlerdir çöl marallaryndan
ant içýärin:
özi isleýänçä
yşky oýarmaň, birahatlandyrmaň!

### *Giýew we onuň toýy*

6 Tüsse sütüni deý
çölden çykyp gelýän kim?
Ondan täjirleriň hoşboý ysly
atyrlaryndan edilen
mürüň we ýakymly ysly tütetginiň
hoşboý ysy bark urýar.
7 Ana, Süleýmanyň şa paýtuny!
Ysraýylyň altmyş gerçegidir
onuň daşynda.
8 Ählisi gylyçly,
söweşe ökde;
gijäniň wehiminden
billeri gylyçlydyr.
9 Süleýman şa liwan agaçlaryndan
özüne şa paýtunyny ýasatdy:
10 sütünleri kümüşden,
tirsekligi gyzyldan,
oturgyjy gyrmyzy mahmaldan.
Içi Iýerusalim gyzlarynyň
söýgüsine beslenen.
11 Eý, Sion gyzlary [a],
daşa çykyň-da,
Süleýmany toý gününde,
ýürekden şat gününde
ejesiniň başyna geýdiren
täjine bakyň!

## 4-nji bap

*Ýigit:*

1 Neneňsi gözel sen, dildarym,
neneňsi gözel!
Bürenjegiň astynda
gögerçin gözlim.
Gilgat dagyndan inip gelýän
geçileriň sürüsine ogşaýar saçyň.
2 Gyrkylyp,
suwdan çykyp gelýän
goýun sürüsine ogşaýar dişleriň.
Ählisi ekizlidir,
ýalky däldir olar.
3 Gyrmyzy sapak deý dodaklaryň,
agzyň-da ne ajaýyp.
Bürençekde gizlenen ýaňaklaryň
enara meňzeýär.
4 Dawudyň gorhana diňidir boýnuň,
müň gerçegiň galkany
asylgydyr ondan.
5 Maýsalykda otlaýan ekiz jeren
owlagyna ogşaýar iki göwsüň.
6 Daň atyp,
kölegeler ýitýänçä,
mür dagyna,
ýakymly ysly tütetgi
baýryna giderin.
7 Katdy-kamatyň neneňsi gözel,
eý, dildarym!
Sende hiç bir kemlik ýok.
8 Liwandan bile gideli, eý, gelinligim;
Liwandan meniň bilen gaýt!
Amana depesinden,
Senir, Hermon depelerinden,
şirleriň sürenlerinden,
gaplaňly daglardan aşyp gel.
9 Eý, ezizim, gelinligim,
köňlümi maýyl etdiň,

---

[a] **3:11** ***Sion gyzlary*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

gözleriň bilen bir bakyşda,
boýnuň hünjüsiniň biri bilen
köňlümi maýyl etdiň.
10 Ne şirin söýgiň seniň,
eý, ezizim, gelinligim!
Yşkyň şerapdan,
atyryňyň hoşboý ysy
ähli hoşboý ysly zatlardan
lezzetlidir!
11 Dodaklaryňdan bal damýar,
eý, gelinligim;
bal bilen süýt bar diliň astynda;
lybaslaryňyň ýakymly ysy
Liwanyň hoşboý ysy deý.
12 Eý, ezizim, gelinligim,
sen bir gapysy ýapyk bagsyň,
agzy ýapyk guýusyň,
möhürlenen çeşmesiň.
13 Nahallaryň nar bakjasydyr:
saýlama miweleri bilen,
hyna hem nard atyrlary bilen,
14 atyrdyr zagpyran bilen,
ysly gamyşdyr dalçyn bilen,
dürli ýakymly ysly agaçlar bilen,
hoşboý mürdür ahalot bilen,
dürli hoşboý ysly zatlar bilen.
15 Sen bag çeşmesisiň,
şypaly suw guýusysyň,
Liwanyň akar suwusyň.

*Gyz:*

16 Oýan, eý, demirgazyk ýeli!
Gel, eý, günorta ýeli!
Bagymyň üstünden öwüs,
onuň atyr ysy çar tarapa
ýaýrasyn.
Ýarym öz bagyna gelsin,
saýlama miwelerini iýsin!

## 5-nji bap

*Ýigit:*

1 Eý, ezizim, gelinligim,
men bagyma gelýärin;
mürüm bilen atyrymy ýygnaýan,
bal öýjügimi, balymy iýýän,
şerabymy, süýdümi içýän.

*Gyzyň boýdaşlary:*

Iýiň, eý, söýgüli ýarlar!
Eý, yşkyň ýesirleri,
iýip-içiň, yşkdan mes boluň!

*Gyz:*

2 Men ukuda, ýöne köňlüm oýa.
Ine, bu ýarymyň owazy.
«Gapyny aç, ezizim, dildarym
meniň,
gögerçinim, päkizäm meniň!
Başym çyga ezilen,
saçym-da gijäniň nemine».
3 Eşigimi çykarypdym
geýeýinmi ýene?
Aýaklarymy ýuwupdym
hapalaýynmy ýene?
4 Elini gapy deşiginden uzatdy
ýarym,
yşkym oňa galkyndy.
5 Turdum ýaryma gapy açmaga,
ellerimden damdy mür,
barmaklarymdan akdy mür
gulpuň tutawajyna.
6 Gapyny açdym ýaryma,
ýöne giden eken ol.
Owazyna ezildi ýüregim.
Agtardym, tapmadym ony;
çagyrdym, jogap bermedi.
7 Şäherde aýlanyp ýören gözegçiler
maňa duşdular;
meni urdular, ýaraladylar,
şäher diwarlarynyň sakçylary
bürenjegimi başymdan aýyrdylar.
8 Eý, Iýerusalim gyzlary!
Size ýalbarýaryn,
ýarymy görseňiz aýdyň,
yşkdan heserländirin.

*Gyzyň boýdaşlary:*

9 Ýaryň beýlekilerden nämesi artyk,
eý, gözeller gözeli?
bize ant içeriň ýaly,
ýaryňyň beýlekilerden nämesi
artyk?

*Gyz:*

10 Akmeňiz, gülgüne ýüzlüdir,
ýarym,
on müňleriň arasynda saýlanýar ol.
11 Sap altyndyr başy,
saçlary buýra,
garga deý gara.
12 Onuň gözleri bulak başynda
süýde ýuwnup oturan
gögerçin ýaly;
olar oturdylan gymmatbaha
daşlary ýaly.
13 Atyr saçýan
gülhana deý ýaňaklary,
mür damdyrýan
bägüle ogşaýandyr dodaklary.
14 Gollary ýüzi sary ýakut
bilen bezelen togalak altyndyr,
göwresi gök ýakuda gaplanan
pil süňküdir.
15 Aýaklary sap altyn üstünde
oturdylan
mermer sütünler deý,
görki Liwan deý,
saýlama kedr agaçlary deý.
16 Dodaklary iň datly,
katdy-kamaty owadan.
Bu meniň ýarymdyr, dostumdyr,
eý, Iýerusalim gyzlary!

## 6-njy bap

*Gyzyň boýdaşlary:*

1 Ýaryň nirä gitdi,
eý, gözelleriň gözeli?
Haýsy ýana ýöneldi ol?
Ony yzlaly seniň bilen.

*Gyz:*

2 Ýarym öz bagyna,
atyr saçýan gülhanasyna,
baglarda sürüsini bakmaga,
çigildemler ýygmaga gitdi.
3 Ýarym meniňki, men onuňky;
sürüsini çigildemleriň arasynda
bakýar ol.

*Ýigit:*

4 Eý, dildarym,
Tirsa şäheri deý gözelsiň sen,
hoşroýsyň Iýerusalim deý,
tugly goşun deý şöwketli.
5 Gözleriňi menden sow,
men olara bendi!
Gilgat dagyndan inip gelýän
geçi sürüsine ogşaýar saçyň.
6 Gyrkylyp,
suwdan çykyp gelýän
goýun sürüsine ogşaýar dişleriň.
Ählisi ekizlidir,
ýalky däldir olar.
7 Bürençekde gizlenen ýaňaklar
enara meňzeýär.
8 Şanyň altmyş aýaly bar hem
segsen gyrnagy,
gyzlar-da san-sajaksyzdyr.
9 Gögerçinimiň, päkizämiň bolsa
deňi-taýy ýok,
enesiniň eziz gyzy ol,
naýbaşysy ol.
Gyzlar ony görüp, oňa bagtly
diýdiler;
şa aýallarydyr gyrnaklary ony
öwdüler.
10 Şapak deý ýalpyldaýan,
Aý dek gözel, Gün deý parlaýan,
tugly goşun deý şöwketli kim bu?

11 Jülgäniň hasylyna seretmäge,
üzüm baglarynyň gunçalaryny,
narlaryň güllerini görmäge
hoz bagyna gitdim.
12 Bilmän galdym, isleg-hyjuwym
meni nädip
şanly halkymyň söweş
arabalaryna mündürdi.

**7-nji bap**

*Gyzyň boýdaşlary:*

1 Dolan, eý, şulamly gyz, dolan!
Dolan, saňa bakaly, dolan.

*Ýigit:*

Iki toparyň tansyna tomaşa edýän
deý,
şulamly gyza bakjaksyňyz
näme üçin?
2 Ne gözel çarykly aýaklaryň,
eý, asylzada gyzy!
Butlaryň ökde zergäriň
elinden çykan göwher mysaly.
3 Garyşyk şeraply hiç egsilmez
şa käse mysalydyr göbegiň.
Garnyň çigildemlere guşanan
bugdaý topbagyna meňzeýär.
4 Ekiz jeren
owlagyna ogşaýar iki göwsüň.
5 Boýnuň pil süňkünden edilen diň
deý,
gözleriň Batrabbim
derwezesiniň
ýanyndaky Heşbon howuzlary deý.
Burnuň Damaska bakyp duran
Liwan diňi deý.
6 Başyň Karmel dagy deý dik
bolup,
zülpleriň benewşedir,
şa olara bendi boldy.
7 Sen neneňsi gözel, neneňsi hoşroý,
eý, mylakatly dildarym!
8 Boýuň serwi agajyna,
göwüsleriň üzüm salkymlaryna
meňzeýär.
9 Serwi agajyna çykyp,
şahalaryndan ýapyşaýyn
diýdim.
Göwüsleriň üzüm salkymlary
deý,
demiň almalar deý hoşboý,
10 Dodaklaryň saýlama şerap deý
lezzet eçilsin.

*Gyz:*

Şerap ýarym üçin aksyn,
uklap ýatanlaryň
dodaklaryndan süzülsin.
11 Men ýarymyňky,
ol maňa maýyl.
12 Eý, ýarym,
giň sähra çykaly, gel;
gel, oba gijelerine seýil edeli.
13 Ir säher üzüm baglaryna gideli,
göreli, gunçalapmy,
gülläpmi üzüm,
hem-de nar.
Şol ýerde yşkymy bagyş ederin
saňa.
14 Mandragoralaryň[a] ysy bark urýar,
gapymyzda täze hem
guradylan
dürli saýlama miweler bar,
olary seň üçin sakladym, eý,
ýarym.

**8-nji bap**

1 Käşgä enemiň göwsünden emen
agam deý bolsadyň maňa!
Daşarda duşanymda, öperdim
seni,

[a] **7:14** ***Mandragora*** – söýgi hyjuwyny artdyrýan ösümlik.

hiç kim meni ýazgarmazdy.
2 Öňüňe düşüp,
enemiň öýüne getirerdim seni,
öwüt bererdiň sen maňa.
Hoşboý ysly şerapdan,
enarlarymyň suwundan
içirerdim saňa.
3 Sol eli kellämiň astynda,
Gujaklaýar meni sag eli bilen.
4 Eý, Iýerusalim gyzlary,
size ýalbarýaryn:
özi isleýänçä
yşky oýarmaň,
birahatlandyrmaň!

*Gyzyň boýdaşlary:*

5 Ýaryna söýenip,
çölden çykyp gelýän kim?

*Gyz:*

Alma agajynyň astynda oýardym
seni.
Eneň şol ýerde dünýä inderdi
seni,
ol şol ýerde agyry çekip,
dogurdy seni.
6 Ýüregiňde,
goluňda sakla meni möhür deý;
çünki yşk ölüm deý güýçli,
gabanjaňlyk gabyr deý ýowuz.
Yşkyň ýalny otly ýalyndyr,
lowlaýan ýalyndyr ol.
7 Yşky ne bol suwlar söndürer,
ne-de derýalar ony gark edip
biler.
Ynsan yşk üçin bary-ýoguny
berse-de,
ol ýigrenç bilen ret edilerdi.

*Gyzyň boýdaşlary:*

8 Kiçi uýam bar,
mämeleri heniz tözlenmedik,
uýamyza söz aýdylan güni
onuň üçin näme ederis?
9 Diwar bolan bolsady ol,
üstünde kümüş diňler gurardyk,
gapy bolan bolsady,
ony kedr agajyna gaplardyk.

*Gyz:*

10 Men bir diwar,
göwüslerim-de diňler deý.
Şoňa görä ýarymyň gözüne
kämil görünýän men.
11 Süleýmanyň Bagalhamonda
üzüm bagy bardy,
ony sakçylara tabşyrdy ol;
hersi hasyl üçin
müň kümüş teňňe bermelidi.
12 Meniň-de üzüm bagym
özümiňkidir;
eý, Süleýman, müň teňňe
seniňki bolsun,
iki ýüz kümüş hasylyň
sakçylarynyňky bolsun!

*Ýigit:*

13 Eý, baglarda mesgen tutan!
Ýoldaşlarym owazyňy
diňleýärler;
men-de owazyňy eşideýin.

*Gyz:*

14 Ylga, eý, ýarym!
Bark urýan daglaryň üstünde
jeren deý, keýik owlagy deý
bolgun.

# Işaýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Işaýa pygamber iň beýik pygamberleriň biridi. Onuň ady «Reb halas edýär» diýmegi aňladýar. Ol Amos, Hoşeýa we Mika pygamberleriň döwründe ýaşap, b. e. öň 740-njy ýylda pygamberlik edip başlady. Onuň pygamberlik edip başlan döwründe ýurdy Uzyýa patyşa dolandyrýardy. Uzyýadan soň şalyk süren üç patyşanyň döwründe hem Işaýa pygamber Rebbiň aýdanlaryny Ýahuda halkyna ýetirdi. Şol döwürde Aşur patyşalygy öz çäklerini giňeldýärdi. Milletler Aşur patyşalygyna garşy göreşmek üçin birleşýärdiler, ýöne aşurlylar ahyrsoňy Ysraýyly we goňşy döwletleri basyp alýarlar. Müňlerçe adam ýesir alnyp, sürgün edilýär. Ýahuda patyşalygy doly basylyp alynmandygyna garamazdan, Aşur patyşalygyna agyr salgyt tölemäge mejbur edilýär.

Işaýa pygamber Hudaýy «Ysraýylyň Mukaddesi» we «Hökmürowan Reb» diýip atlandyrýar. «Hökmürowan Reb» ýewreý dilinde Adonaý Ýahwe diýmegi aňladýar. Adonaý sözi adatça Taňry, Ýahwe – Reb diýip terjime edildi. Emma bu sözleriň utgaşyp gelen ýagdaýlarynda, olar Hökmürowan Reb diýip terjime edildi.

Işaýa pygamber ot-alawy jeza bermekligiň nyşany hökmünde, üzüm agajyny we üzümçiligi Ysraýyl halkynyň nyşany hökmünde ulanýar (5:7).

Kitap şu aşakdaky bölümlere bölünýär:

Işaýa 1–39: Sürgün edilmezden öňki döwür – Höküm kitaby.

Işaýa 40–66: Sürgün we ondan soňky döwür – Teselli kitaby.

Babyl sürgüniniň taryhy 2-nji *Patyşalar* kitabynyň 25-nji babynda beýan edilýär.

*Işaýa pygamber* kitabynyň birinji bölüminde tutuş dünýäniň Patyşasy bolan Rebbiň mukaddesligi we hökmürowanlygy aýratyn nygtalýar. Mukaddes Patyşa hökmünde Rebbiň ýahuda halkynyň pisligine garşy gahar-gazaby tutuşýar. Döwlet baştutanlary para-peşgeşe ýatypdy, ähli ýerde adalatsyzlyk we zorluk höküm sürýärdi. Emma Reb ýahudy halkynyň Özüne dolanyp, Oňa bil baglan ýagdaýlarynda ony halas etjekdigini we gorajakdygyny wada berýär.

Kitabyň ikinji bölüminde Reb ozal höküm edilen adamlara gürläp (40:1-2), ruhdan düşen halkyna umyt berýär. Reb olaryň daşdan ýa agaçdan ýasalan butlaryň hiç güýjüniň ýokdugyna, ýeke-täk Hudaýyň diňe Oldugyna düşünmeklerini isleýär. Eger ysraýyl halky toba edip, Hudaýa dolansa, ony Babyl sürgünliginden azat etjekdigini, beýleki milletleriň arasynda pytraňňy ýaşap ýörenlerini hem ata ýurtlaryna gaýtarjakdygyny wada berýär.

Bulardan başga-da Hudaý Öz halkynyň Oňa dolanan ýagdaýynda ony ýalkap, berekediniň boldan-bol artdyrjakdygyny hem wada berýär. Reb bu wadalaryny berjaý etmegi başarýandyr, sebäbi Ol tutuş dünýäni ýaradyp, ony dolandyrýar. Şu bölümiň ahyrynda Reb Özüne sadyk galan adamlara aýratyn ýagty gelejegi wada berýär. Bu wada diňe ýahudy halkyna däl, eýsem ähli milletlere hem degişlidir.

Işaýa pygamberiň kitaby esasan hem goşgy görnüşinde ýazylandyr. Ýöne onuň käbir parçalary – taryhy maglumatlary beýan edilýän ýerleri kyssa görnüşinde ýazylandyr. Bu taryhy maglumatlar esasan hem Patyşalar kitabyndan alnandyr. Pygamberlikler käwagt halky halas etjek Halasgär barada bolup, olaryň iň meşhury 53-nji bapda beýan edilýär.

***Mazmuny***


Höküm kitaby ........ *1–39*
Duýduryşlar we wadalar ........ *1:1–12:6*
Milletler höküm edilýär ........ *13:1–23:18*
Reb ýer ýüzüni jezalandyrýar ........ *24:1–27:13*
Goşmaça duýduryşlar we wadalar ........ *28:1–35:10*
Ýahudanyň patyşasy Hizkiýa we aşurlylar ........ *36:1–39:8*
Teselli kitaby ........ *40–66*
Wadalar we umyt baradaky pygamberlikler ........ *40:1–55:13*
Duýduryşlar we wadalar ........ *56:1–66:24*


---

**1-nji bap**

1 Ýahuda patyşalary Uzyýanyň, Ýotamyň, Ahazyň we Hizkiýanyň döwründe Amozyň ogly Işaýanyň Ýahuda we Iýerusalim babatda gören görnüşleri.

***Ýahuda halkynyň pisligi***

2 Eý, gök, eşit,
eý, ýer, gulak goý!
Reb şeýle diýýär:
«Men çagalary ekledim, ulaltdym,
emma olar garşyma baş göterdiler.
3 Öküz öz eýesini tanaýar,
eşek-de eýesiniň ahyryny,
emma Ysraýyl Meni tanamaýar,
halkym Maňa düşünmeýär».
4 Günä edýän milletiň,
ýazygy agyr halkyň,
pislik edýän zürýatlaryň,
azgynlyk edýän çagalaryň
halyna waý!
Olar Rebbi terk etdiler,
Ysraýylyň Mukaddesini
äsgermediler,
Ondan ýüz öwürdiler.

5 Näme üçin ýene-de jeza
gözleýärsiňiz?
Näme üçin başbozarlygyňyzy
bes etmeýärsiňiz?
Başyňyz bütinleý ýaralanan,
ýüregiňiz durşuna solup-saralan.
6 Depäňizden dabanyňyza çenli
sagat ýeriňiz ýok,
gan öýmelerdir, ýaralar,
gany akyp duran ýaralar.
Olar arassalanmadyk, saralmadyk,

ýag bilen ýumşadylmadyk.
7 Ýurduňyz harabalyk,
şäherleriňiz oda ýanan;
kesekiler gözüňiziň alnynda
ýurduňyzy ýalmaýarlar,
ony haraba öwürýärler.
8 Sion gyzy [a] üzümlikdäki çadyr
kimin,
hyýar atyzyndaky çatma kimin,
daşy gabalan şäher kimin bolup
galar.
9 Eger Hökmürowan Reb
birnäçämizi aman galdyrmadyk
bolsady,
Sodom ýaly bolardyk,
Gomora meňzärdik.

10 Eý, Sodom baştutanlary,
Rebbiň sözüni eşidiň!
Eý, Gomora halky,
Hudaýymyzyň kanunyna gulak
goý!
11 Reb şeýle diýýär:
«Köp gurbanlyklaryňyzyň
Maňa haýry nä?
Goçlardan berlen ýakma
gurbanlyklaryndan,
baga bakylan mallaryň
ýagyndan doýdum.
Öküzleriň, guzularyň we erkeçleriň
ganyndan lezzet almaýaryn.
12 Huzuryma şeýle gelip,
howlymy depeläp ýörmegiňizi
kim sizden talap etdi?
13 Sadaka bermek biderekdir,
ýakymly ysly tütetgiňiz Maňa
nejislikdir.
Täze Aý baýramynda, Sabat
gününde
pislik edýärkäňiz
guraýan mejlisiňize,
ýygnanyşygyňyza çydap
bilmeýärin.
14 Ýürekden ýigrenýärin
Täze Aý we beýleki
baýramlaryňyzy.
Bular Maňa ýük boldular,
ýadadym Men olary götermekden.
15 Dileg edip elleriňizi
galdyranyňyzda,
size üns bermerin,
näçe dileg etseňiz-de,
sizi diňlemerin;
elleriňiz gana boýalypdyr.
16 Ýuwnuň, tämizleniň,
pis işleriňizi terk ediň
gözümiň alnyndan,
ýamanlyk etmegi bes ediň.
17 Ýagşylyk etmegi öwreniň,
adalaty agtaryň,
ezýet çekýäni halas ediň,
ýetimi goraň,
dul hatyna arka duruň».

18 Reb şeýle diýýär:
«Geliň, indi düşünişeliň,
günäleriňiz gyrmyzy dek bolsa-da,
olar gar kimin ak bolarlar,
gyrmyzy dek gyzyl bolsalar-da,
ak ýüň dek bolarlar.
19 Eger sözlerimi göwünjeňlik bilen
diňleseňiz,
ýurduň näz-nygmatyny
iýersiňiz.
20 Boýun gaçyryp, baş göteräýseňiz
welin,
sizi gylyç ýalmar».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Reb Iýerusalimi höküm edýär*

21 Sadyk şäher nähili zynahor boldy!
Ol öň adalatdan doludy,

---

[a] **1:8** ***Sion gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

dogrulyk mesgen tutupdy onda,
indi bolsa ganhorlar!
22 Kümşüň galynda öwrüldi,
şerabyňa suw gatyldy.
23 Hökümdarlaryň pitneçä
öwrüldiler,
ogrulara şärikdir olar,
ählisi para ýatdy,
peşgeşleriň yzynda hallan
atýarlar.
Ýetimiň hukugyny goramaýarlar,
dul hatynyň dawasyna
garamaýarlar.
24 Şonuň üçin Hökmürowan Taňry
Reb,
Ysraýylyň gudratly Hudaýy
şeýle diýýär:
«Ýagylarymyň üstünden
gazabymy dökerin,
duşmanlarymdan öç alaryn!
25 Elimi saňa garşy uzadaryn,
haramlygyňyzdan aşgar bilen
tämizlärin seni,
ähli ýanyklaryňy aýraryn.
26 Kazylaryňy ozalky halyna,
maslahatçylaryňy öňki halyna
dikelderin.
Şondan soň saňa:
„Dogrulyk şäheri, sadyk şäher“
diýler».

27 Sion[a] adalatlylyk bilen halas
ediler,
toba edenler dogrulyk bilen.
28 Pitneçiler we günäkärler birlikde
gyrlarlar,
Rebbi terk edýänler-de ýok
bolarlar.
29 Höwes eden
keramatly agaçlaryňyz üçin
utanarsyňyz,
saýlan baglaryňyz üçin ýüzüňiz
gyzarar.
30 Siz ýapragy guran
çynar agajy kimin bolarsyňyz,
suwsuz galan baga meňzärsiňiz.
31 Güýçlüler çöpe dönerler,
işleri uçguna meňzär,
işleri-de, özleri-de oda ýanarlar,
ol ody söndüren bolmaz.

## 2-nji bap

### *Rebbiň dagy*

1 Amozyň ogly Işaýanyň Ýahuda we
Iýerusalim babatda gören görnüşleri.
2 Ahyrky günlerde şeýle bolýar:
Rebbiň öýi daglaryň
iň beýigi deý berkarar ediler,
depelerden belent bolar ol,
ähli milletler oňa tarap eňerler.
3 Köp halklar gelip, şeýle diýerler:
«Geliň, Rebbiň dagyna –
Ýakubyň Hudaýynyň öýüne
çykalyň;
ýodalaryndan ýörär ýaly,
Ol bize Öz ýollaryny öwreder».
Çünki kanun Siondan,
Rebbiň sözi Iýerusalimden çykar.
4 Reb milletler arasynda kazylyk
eder,
köp halklaryň dawalaryny çözer;
olar gylyçlaryndan azal,
naýzalaryndan orak ýasarlar;
millet millete garşy gylyç
galdyrmaz,
söweşmegi öwrenmezler indi.
5 Eý, Ýakubyň nesilleri,
geliň, Rebbiň nurunda ýöräliň!

### *Rebbiň güni*

6 Sen Öz halkyňy, ýagny

---

[a] **1:27** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

Ýakubyň neslini terk etdiň.
Olar gündogaryň palçylaryndan,
piliştlileriňki ýaly
müneçjimlerden doly,
keseki halk bilen el berişýärler
olar.
7 Olaryň ýurdy altyn-kümüşden
doly,
hazynalary tükeniksizdir,
ýurt atlardan doly,
söweş arabalary
san-sajaksyzdyr.
8 Olaryň ýurdy butlardan doly,
öz elleriniň işine,
barmaklarynyň ýasan zadyna
sežde edýärler.
9 Muňa görä ynsan kiçeldiler,
her kes peseldiler,
olary bagyşlama!

10 Rebbiň howpundan,
Onuň şan-şöhratyndan
gaýalarda bukulyň,
toprak astynda gizleniň.
11 Halkyň gedem bakyşlary
peseldiler,
ynsan tekepbirligi egler,
şol gün diňe Reb beýgeldiler.
12 Hökmürowan Rebbiň bir güni bar,
şol gün ähli tekepbirleri,
gedemleri,
ähli beýgeldilenleri peselder,
13 Liwanyň ähli beýik we belent
başly kedr agaçlaryna,
Başanyň bar dublaryna
garşydyr,
14 Ähli belent daglara,
beýik depelere garşydyr.
15 Her bir beýik diňe,
her bir berk gala garşydyr.
16 Tarşyş gämileriniň baryny,
owadan gaýyklaryň hemmesini
ýok eder.
17 Ynsan men-menligi,
hem gedemligi peseldiler,
şol gün diňe Reb beýgeldiler.
18 Butlar bütinleý ýok ediler.
19 Reb ýeri lerzana salmaga
galkanda,
ynsanlar Onuň howpundan,
şan-şöhratyndan,
gaýalardaky gowaklara,
ýeriň deşiklerine girerler.
20 Şol gün adamlar özleriniň
sežde etmek üçin ýasan
altyn-kümüş butlaryny
körsyçanlaryň, ýarganatlaryň
öňüne oklarlar.
21 Reb ýeri lerzana salmaga
galkanda,
ynsanlar Onuň şan-şöhratyndan,
howpundan
gaýalardaky gowaklara,
kert gaýalardaky jaýryklara
girerler.
22 Soňy ölümli ynsanlara bil
baglamaň.
Kim bolupmyş olar?

## 3-nji bap

### *Iýerusalimdäki bitertiplik*

1 Ine, Hökmürowan Taňry Reb
Iýerusalimden, Ýahudadan
ýardamy we azygy,
nany we suwy keser.
2 Söweşijilerdir esgerleri,
kazylardyr pygamberleri,
palmanlardyr ýaşululary,
3 ellibaşylary,
atly-abraýly adamlary,
maslahatçylardyr mekir
gözbagçylary,
ökde jadygöýleri aradan aýrar.
4 Ýetginjekleri olara baştutan
ederin,

göwnüne gelenini edýänler
olara hökmürowanlyk ederler.
5 Ynsan ynsana,
goňşy goňşusyna sütem eder,
ýaşlar ýaşululary,
garamaýak adamlar
abraýly adamlary sylamazlar.
6 Garyndaş garyndaşyna ýapyşyp,
öz urugyndan bolana şeýle
diýer:
«Egniňde eşigiň bar,
sen bize baştutan bol!
Bu harabalyklar
seniň gol astyňda bolsun».
7 Şol gün ol adam gygyryp, şeýle
diýer:
«Men ýaraňyzy sarap bilmen;
öýümde ne çörek bar, ne-de
geýim,
meni halka baştutan etmäň».
8 Iýerusalimiň büdreýändigi,
Ýahudanyň ýykylýandygy üçin,
Rebbiň şöhratly barlygyny
äsgermän
sözleriniň we edýän işleriniň
Rebbe garşy bolandygy üçin
şeýle bolar.
9 Ýüz keşpleri özleriniň garşysyna
şaýatlyk edýär,
günälerini Sodom ýaly äşgär
edýärler,
olary ýaşyrmaýarlar,
olaryň dat gününe!
Betbagtçylygy satyn aldylar olar.
10 Dogrulara aýdyň,
ýagşylyk görerler olar,
öz işleriniň miwesini iýerler.
11 Pisleriň dat gününe!
Betbagtçylyk iner olaryň
başyna,
elleri bilen edenlerini eginleri
bilen çekerler.
12 Çagalary halkyma sütem edýärler,
aýallary üstlerinden höküm
sürýärler.
Eý, halkym, baştutanlaryňyz sizi
azaşdyrýarlar,
ýörejek ýodalaryňyzy
bulaşdyrýarlar.

13 Reb dawa tutmaga ýerinden galýar,
halklara kazylyk etmek üçin
aýaga galýar.
14 Reb halkynyň ýaşululary,
hökümdarlary bilen höküme
girişýär:
«Üzümçiligi weýran eden sizsiňiz,
öýleriňiz garypdan talan
oljaňyzdan doly.
15 Halkymy ezip,
garyplary ýere çalmaga näme
hakyňyz bar?»
Muny Gudratygüýçli–
Hökmürowan Reb aýdýandyr.

### *Iýerusalim aýallaryna duýduryş*

16 Reb şeýle diýýär:
«Sion gyzlary tekepbirdirler,
tumşuklaryny göge tutup
ýöreýärler,
näzirgeşip seredýärler,
näz-kereşme bilen ädim ädip,
aýak halkalaryny
şyňňyrdadýarlar.
17 Şonuň üçin Taňry
Sion gyzlarynyň kellesini kel
eder,
Reb maňlaýlaryny takyradar.
18 Şol gün Taňry owadan
aýak-halkalaryny,
alyn bezeglerini, gymmatbaha
monjuklaryny,
19 gulakhalkalaryny, bileziklerini
we ýaglyklaryny,
börüklerini, topuk-halkalaryny,
guşaklaryny,

atyr çüýşejiklerini we
doga-tumarlaryny,
20 ýüzüklerini we burun halkalaryny,
21 toý lybaslaryny, kürtelerini,
çabytlaryny we el gapjyklaryny,
22 ýüz aýnalaryny, ýüpek
lybaslaryny,
börüklerini we bürençeklerini
aýrar.
23 Atyryň deregine porsy ys,
bil guşagyň deregine ýüp,
buýra zülpleriň deregine kellik,
bezemen lybasyň deregine jul,
gözelligiň deregine utanç bolar.
24 Erkekleriň gylyçdan gyrlarlar,
edermen urşujylaryň söweşde
ölerler.
25 Sionyň derwezeleri ah çekip, ýas
tutar,
şäher çolaryp, gury ýerde
oturar».

## 4-nji bap

1 Şol gün ýedi aýal bir erkege ýapyşyp,
şeýle diýer:
«Öz çöregimizi iýip, öz
eşiklerimizi geýeris,
seniň adyňy alsak bolýar,
bizi utançdan gutar».

### *Siondaky aman galanlaryň geljegi*

2 Şol gün Rebbiň şahasy gözel, şöh-
ratly bolar; ýurduň miwesi Ysraýylyň
aman galanlaryna buýsanç hem abraý
bolar. 3 Sionda galanlara – Iýerusalimde
aman galanlara, Iýerusalimde ady dur-
muş kitabyna ýazylanlara, «Mukaddes»
diýler. 4 Taňry Sion gyzlarynyň pisligi-
ni ýuwar, Iýerusalimde dökülen gany
höküm we alaw ruhy bilen tämizlär.
5 Soňra Reb Sion dagynyň her ýanyny,
ol ýerde toplananlaryň üstüni gündizine
bulut we tüsse bilen, gijesine parlak ot
ýalny bilen örter. Bütin şöhratyň üsti
örtgüli bolar. 6 Bu örtük gündiz yssyda
kölege bolar, gaýda, ýagyşda pena we
gaçybatalga bolar.

## 5-nji bap

### *Miwesiz üzümçilik hakda nagma*

1 Söýgülime üzümçilik hakdaky
söýgi nagmamy aýdaýyn:
mes toprakly depede
söýgülimiň üzümçiligi bar.
2 Ony agdaryp, daşlardan
arassalady,
saýlama üzümler ekdi.
Ortasynda gözegçilik diňini dikdi,
üzüm sykmak üçin çukur gazdy.
Üzüm hasylyna garaşdy,
emma ol ýabany üzüm berdi.

3 Indi, eý, Iýerusalim ilaty,
Ýahuda halky!
Men bilen üzümçiligimiň
arasynda
kazylyk ediň.
4 Üzümçiligim üçin ýene näme
edeýin Men?
Edilmän galdyrylan iş barmy?
Hasylyna garaşanymda,
näme üçin ýabany üzüm berdi?
5 Indi Men size üzümçiligime
näme etjekdigimi aýdaryn.
Men onuň haýadyny aýraryn,
ol weýran ediler;
onuň diwaryny ýykaryn,
ony basgylap zaýalarlar.
6 Ony haraba öwrerin,
ony pudamazlar,
ýeri bejermezler,
onda çalydyr tikenekler biter;
bulutlara-da onuň üstüne
ýagyş ýagdyrmazlygy buýraryn.
7 Hökmürowan Rebbiň üzümçiligi

Ysraýylyň nesilleridir,
hoş görýän bagy-da,
ýahuda halkydyr.
Ol adalata garaşdy,
ýöne zulum gördi;
dogrulyga garaşdy,
ýöne dady-perýat eşitdi.

### *Adalatsyzlyk edýänleriň dat gününe!*

8 Öý üstüne öý,
ýer üstüne ýer
edinýänleriň dat gününe!
Özüňizden başga ýer
goýmaýarsyňyz,
ýurtda diňe siz ýaşamalymy
näme?
9 Hökmürowan Rebbiň şeýle
diýenini eşitdim:
«Beýik hem gözel jaýlar haraba
öwrüler,
içinde hiç kim galmaz.
10 Üzümçiligiň on tanap ýeri bir
meşik [a] şerap berer,
on batman [b] tohum diňe bir
batman hasyl berer».
11 Ir turup, çakyr ugrunda
ylgaýanlaryň,
giç agşama çenli şerap içip,
möwç alýanlaryň dat gününe!
12 Meýlislerinde liradyr arfa,
deprekdir tüýdük çalnyp, şerap
içilýär,
ýöne Rebbiň işlerine üns
bermeýärler,
Onuň eliniň işlerini görmeýärler.
13 Munuň üçin halkym nadanlykdan
ýesir edilip äkidiler,
at-abraýly adamlary açlykdan
öler,
köpleri bolsa teşnelikden gyrlar.
14 Şonuň üçin doýmagy bilmeýän
ölüler dünýäsi
agzyny giňden açdy;
Iýerusalimiň at-abraýlylary,
köplügi, şowhunçylary,
şady-horramlary bu dünýä
girerler,
15 Ynsan peseldiler, her kes
kiçeldiler,
tekepbir bakyşlar peseldiler.
16 Emma Hökmürowan Reb
adalatlylykda beýgeldiler,
Mukaddes Hudaý dogrulykda
Öz mukaddesligini görkezer.
17 Goýunlar öz örülerindäki ýaly
otlarlar,
owlak-guzular
harabalyklaryň arasynda
otlarlar.

18 Etmişi ýalançylyk ýüpleri bilen,
günäni araba tanaplary bilen
süýreýänleriň dat gününe!
19 Olar: «Goý, Hudaý howluksyn,
işini tiz etsin,
biz-de göreli;
Ysraýylyň Mukaddesiniň
niýetläni
tiz amala aşsyn,
biz hem ony bileli».
20 Ýamana ýagşy,
ýagşa ýaman diýýänleriň,
zulmaty nur,
nury zulmat saýýanlaryň,
aja süýji,
süýjä ajy diýýänleriň
dat gününe!
21 Özlerini paýhasly,
düşünjeli saýýanlaryň
dat gününe!

[a] **5:10** ***Bir meşik*** – ýewreýçe *bir bat*. Bu takm. 22 litre deňdir.
[b] **5:10** ***On batman*** – ýewreýçe *bir homer*. Bu takm. 200 kg deňdir.

22 Şerap içmekde batyrlaryň,
çakyr garmakda güýçlüleriň,
23 para üçin günäkäri aklaýanlaryň,
dogryny hakyndan mahrum
edýänleriň
dat gününe!

### *Keseki çozuşy öňden aýdylýar*

24 Oduň sypaly ýalmaýşy kimin,
gury otuň alaw içinde aşak
çöküşi kimin,
olaryň köki-de şeýle çüýrär,
gülleri tozan kimin göge
sowrular;
çünki olar Hökmürowan Rebbiň
kanunyny ret etdiler,
Ysraýylyň Mukaddesiniň sözüni
äsgermediler.
25 Munuň üçin Rebbiň gazaby
Öz halkyna garşy lowlaýar,
elini olara garşy uzadyp, jeza
berýär;
daglar titreşýär,
maslyklary zibil kimin köçelerde
ýatyr,
Şonda-da Onuň gazaby
köşeşmändi,
eli entek hem jeza bermäge taýyn.
26 Ol uzakdaky milletlere nyşan
iberer,
olary ýeriň aňry ujundan
sykylyk bilen çagyrar,
ine, olar dazlap, tizden ýetip
gelerler.
27 Içinde ýadawy, büdreýäni bolmaz,
hiç kim irkilmez ýa-da uklamaz,
billeriniň guşagy gowşamaz,
çaryklarynyň bagy üzülmez.
28 Oklary ýitidir,
ýaýlary-da dartylandyr,
atlarynyň toýnaklary
çakmakdaşa meňzeýär,
arabalarynyň tigirleri tüweleýe.
29 Arryldylary arslanyňky deý,
ýaş şirler kimin arlaýarlar;
arlap, awuny tutýarlar,
ony alyp gidýärler,
halas etjek ýok.
30 Şol gün olar awunyň üstünde
deňiz güwwüldisi kimin
arlarlar,
kim ýurda nazar salsa,
ine, garaňkylyk hem hasrat;
nur gara bulutlar bilen örtüler.

## 6-njy bap

### *Reb Işaýany çagyrýar*

1 Uzyýa patyşanyň ölen ýyly beýik hem
şöhratly tagtyň üstünde oturan Taňryny
gördüm. Lybasynyň syýy ybadathanany
doldurýardy. 2 Onuň ýokarsynda seraf-
lar[a] durdy; hersiniň alty ganaty bardy.
Olar ganatlarynyň ikisi bilen ýüzlerini,
beýleki ikisi bilen aýaklaryny büreýär-
diler, galan ikisi bilen-de uçýardylar.
3 Olar biri-birine şeýle diýdi:
«Hökmürowan Reb mukaddesdir,
mukaddesdir, mukaddesdir.
Tutuş älem Onuň şöhratyndan
doludyr».
4 Olaryň sesine gapynyň söýeleri sarsdy,
Hudaýyň öýi tüsseden doldy. 5 Men hem
şeýle diýdim: «Meniň dat günüme! Men
heläk boldum, çünki men agzy haram
adamdyryn we agzy haram adamlaryň
arasynda ýaşaýaryn. Ine, gözlerim Şa-
ny–Hökmürowan Rebbi gördi».
6 Onsoň seraflaryň biri maňa tarap
uçdy. Onuň elinde gurbanlyk sypasyn-
dan ätişgir bilen alnan köräp duran köz
bardy. 7 Seraf közi agzyma degrip, şeýle

[a] **6:2** ***Seraflar*** – perişdeleriň bir görnüşi. Sözlüge seret.

diýdi: «Ine, bu köz dodaklaryňa degdi.
Indi ýazyklaryň aýryldy, günäleriňden
saplandyň». 8 Soňra Rebbiň sesini eşit-
dim. Ol: «Kimi ibereýin? Biziň üçin
kim gider?» diýdi. Men: «Ine, men;
meni iber!» diýdim.

9 Ol şeýle diýdi: «Bar-da bu halka:
„Eşidip dursaňyz-da,
hiç düşünmeýärsiňiz,
seredip dursaňyz-da,
hiç aňlamaýarsyňyz“ diý.
10 Bu halkyň ýüregini kütelt,
gulaklaryny ker et,
gözlerini gap,
gözleri bilen görmesin,
gulaklary bilen eşitmesin,
aňlary bilen aňlamasyn,
Maňa dönüp, şypa
tapmasynlar».

11 Onsoň men: «Ýa Reb haçana çenli?»
diýip soradym.
Ol şeýle jogap berdi:
«Şäherler weýran bolup,
ilatsyz galýançalar,
öýler adamsyz galyp,
ýurt bütinleý haraba
öwrülýänçä,
12 Reb hemmeleri uzaklara kowup,
ýurduň içinde terk edilen ýerler
köpelýänçä,
13 halkyň ondan biri galsa-da,
ýurt ýene-de ýakylar.
Emma dagdan ýa-da dub
çapylanda kökleriniň galyşy
kimin,
mukaddes nesil-de ýurtda kök
kimin bolar».

## 7-nji bap

### *Ahaz patyşa berlen habar*

1 Resin Siriýanyň patyşasydy; Remal-
ýanyň ogly Peka Ysraýylyň patyşasydy.
Olar Iýerusalime garşy uruş etmäge
çykdylar, ýöne oňa garşy söweş edip
bilmediler. Şol döwürde Uzyýanyň ag-
tygy, Ýotamyň ogly Ahaz Ýahudanyň
patyşasydy. 2 Dawudyň nesli Siriýanyň
Efraýym bilen birleşenini eşidende, Aha-
zyň ýüregi ýele titreýän jeňňel agaçlary
ýaly titredi. 3 Onsoň Reb Işaýa şeýle
diýdi: «Ogluň Şeýarýaşup bilen ýokar-
ky howza akýan ýabyň aýagyndaky kir
ýuwulýan meýdanyň ýolunda Ahazy
garşylamaga gidip, oňa şuny aýdyň:
4 „Gulak goý, rahatlan, gorkma. Bu
tüsseläp duran iki otly kesindiden,
Siriýa şasy Resiniň we Remalýanyň
oglunyň lowlaýan gazabyndan heder
etme. 5 Siriýalylar we efraýymlylar öz
patyşasy Remalýanyň ogly bilen saňa
garşy dildüwşük gurady. 6 Olar: 'Ge-
liň, Ýahudanyň üstüne çozalyň, ony
gorkuzyp, basyp alalyň we Tabeýeliň
ogluny patyşa edeliň' diýdiler. 7 Emma
Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
'Bu amala aşmaz,
berjaý bolmaz ol.
8 Damask Siriýanyň paýtagtydyr,
Resin Damaskyň baştutanydyr.
Halk bolmakdan galar Efraýym,
altmyş bäş ýylyň içinde synyp.
9 Samariýa Efraýymyň paýtagty,
Remalýanyň ogly Samariýanyň
başy,
ynamda berk durmasaňyz,
berk durmarsyňyz asla'“».

### *Imanuweliň alamaty*

10 Reb ýene-de Ahaza: 11 «Hudaýyň
Rebden alamat sora; goý, ol ölüler dün-
ýäsinden çuň, gök kimin beýik bolsun»
diýdi. 12 Emma Ahaz: «Sorajak däl, Rebbi
synajak däl» diýdi. 13 Onsoň Işaýa şeýle
diýdi: «Gulak goýuň, eý, Dawudyň ne-
silleri! Ynsanlary irizeniňiz size azlyk

edip, indi Hudaýymy hem irizjekmisi-
ňiz? 14 Munuň üçin Rebbiň Özi size bir
alamat berer. Ine, gyz göwreli bolup,
ogul dograr. Onuň adyna Imanuwel [a]
dakar. 15 Ol ýagşyny ýamandan saýga-
ryp bilýänçä, diňe gaýmak bilen bal iýer.
16 Ýöne oglanyň ýagşyny ýamandan saý-
garmagy öwrenmezinden öň, seni gorka
salan iki patyşanyň ýurdy terk ediler.
17 Reb seniň, halkyňyň we ata-babala-
ryň nesilleriniň başlaryna Efraýymyň
Ýahudadan bölünip aýrylan gününden
bäri görülmedik günleri getirer; Aşur
patyşasyny getirer».

18 Şol gün Reb Müsür derýalarynyň
aýaguçlaryndaky siňeklere, Aşur ýur-
dundaky arylara sygyrar. 19 Olar hem
gelip, ýapaşak derelerde, gaýalaryň
jaýryklarynda, ähli tikenekli gyrymsy
agaçlarda we örülerde ornaşarlar.

20 Şol gün Reb Ýewfrat derýasynyň
aňyrsyndan kireýine alnan päki bilen,
ýagny Aşur patyşasy bilen saçyňyzy,
aýaklaryňyzyň tüýlerini we sakgaly-
ňyzy syrar.

21 Şol gün bir adam bir gulajyn bilen
iki goýun saklar. 22 Ol sagyp alan bol
süýdünden gaýmak iýer; ýurtda galan
her kes gaýmak hem bal iýer.

23 Şol gün bahasy müň kümüş teň-
ňä barabar bolan müň düýp üzümli
tutuş ýer çalylyk we tikenlik ýerlere
öwrüler. 24 Tutuş ýurt çalylyga we ti-
kenlige öwrüler; adamlar ol ýere okdur
ýaýlary bilen gider. 25 Çalylardan we
tikenlerden gorkyňyza öňki kätmen-
lenen depelere gidip bilmersiňiz; ol
ýerler mal goýberilýän, goýunlaryň
basgylaýan ýeri bolar.

## 8-nji bap

### *Işaýanyň ogly halk üçin alamatdyr*

1 Reb maňa: «Bir uly tagta al-da, aýdyň
görünýän harplar bilen onuň ýüzüne
„Maher-şalal-haşbaz“ [b] diýip ýaz. 2 Men
Uryýa ruhany bilen Ýaberekýanyň ogly
Zakarýany Özüme ynamly şaýatlar hök-
münde çagyraryn» diýdi. 3 Onsoň men
pygamber aýal bilen ýatdym. Ol göw-
reli bolup, bir ogul dogurdy. Reb maňa:
«Adyna Maher-şalal-haşbaz dak. 4 Çaga
„kaka“, „eje“ diýmegi öwrenmezden öň,
Damaskyň we Samariýanyň baýlygyny
Aşur patyşasy olja alar» diýdi.

5 Reb ýene sözüni dowam edip: 6 «Bu
halk haýal akýan Şilowa suwuny ret
etdi, olaryň Resiniň hem Remalýanyň
oglundan köňülleri şat boldy. 7 Şonuň
üçin Reb Ýewfrat derýasynyň güýçli sil
suwlaryny, Aşur patyşasyny we onuň
şöhratyny bu halkyň üstüne getirer. Ol
onuň ähli jarlaryndan aşyp, bütin kenar-
laryna dolar. 8 Ol joşup, Ýahuda geçer we
ony-da basar; ýurduň bogazyna ýeter.
Ýaýylan ganatlarynyň gerimi ýurduň
ähli çäklerine ýeter, eý, Imanuwel». 9 Eý,
milletler, gidiň, urşuň, ýöne siz gyrlar-
syňyz! Gulak goýuň, eý, uzakdaky ähli
ýurtlar! Billeriňizi guşaň, ýöne gorkuň!
Billeriňizi guşaň, ýöne siz gyrlarsyňyz!
10 Bile maslahat geçirersiňiz, ýöne ol başa
barmaz; söz sözlärsiňiz, ýöne ol amala
aşmaz, çünki Hudaý biziň bilendir.

### *Rebbiň duýduryşy*

11 Rebbiň güýçli eli üstümdekä, Ol
maňa bu halkyň ýolundan ýöremezligi

[a] **7:14** ***Imanuwel*** – bu söz *Hudaý biziň bilen* diýmegi aňladýar.
[b] **8:1** ***Maher-şalal-haşbaz*** – bu sözler *talaňa okdurylýan, olja almaga howlugýan* diýmegi aňladýar.

duýduryp, şeýle diýdi: 12«Bu halkyň
dildüwşük diýýän her zadyna dildüwşük
diýmäň, olaryň gorkýan zatlaryndan
gorkmaň, heder etmäň. 13Hökmüro-
wan Rebbi, diňe Ony mukaddes saýyň;
Ondan gorkuň, Ondan heder ediň! 14Ol
mukaddes öý bolar, emma Ol Ysraýylyň
iki patyşalygyna büdreme daşy, ýykýan
gaýa, Iýerusalimiň ilatyna duzak we tor
bolar. 15Olaryň köpüsi büdräp, ýykylar,
ýumrular, duzaga düşürilip, tutular».
16Şägirtlerimiň arasynda şaýatlygy
bagla, kanuny möhürle. 17Men Ýakubyň
nesillerinden ýüzüni gizleýän Rebbe
intizar, Oňa umyt baglaryn. 18Ine, men
we Rebbiň maňa beren çagalary, Sion
dagynda mesgen tutýan Hökmürowan
Rebbiň Ysraýyldaky alamatlary we
nyşanydyr. 19-20Halk size şeýle diýse:
«Pyşyrdaýan we samyrdaýan ruh ça-
gyrýanlara we jadygöýlere ýüz tutuň;
halk öwüt-nesihat üçin öz hudaýlaryna,
dirileriň adyndan ölülere ýüz tutmaly
dälmi näme?» Şeýle diýýänler daň şa-
pagyny görmezler! 21-22Olar muşakgat
hem açlyk içinde ýurtda ykmandalyk
ederler; aç galanlarynda gazaplanyp, öz
patyşalaryny we hudaýlaryny näletlärler.
Göge-de, ýurda-da bakarlar, emma diňe
hasrat, garaňkylyk we elhenç tümlük
görerler. Olar tümlüge kowlarlar.

## 9-njy bap

### *Adyl şa*

1Muňa garamazdan, azap içindäkiler
tükeniksiz tümlükde bolmaz. Geçmişde
Ol Zebulun we Naftaly ýurduny peselt-
di, emma geljekde Deňiz ýakasyndaky
ýoly, Iordanyň aňyrsyny we milletleriň
Jelilesini şöhratlandyrar.

2Beýik bir nur gördi,
tümlükde gezýän halk;
tüm garaňkylykda ýaşaýanlaryň
üstlerine nur saçyldy.
3Milleti köpeltdiň Sen,
artdyrdyň olaryň şatlygyn,
hasylda şatlanyşlary deý,
Seniň öňüňde guwanýarlar,
olja paýlaşýan deý
galkynyşýarlar.
4Olaryň agyr boýuntyrygyny,
gerişlerindäki serdessesini,
sütemkeşleriniň hasasyny döwdüň
midýanlaryň başyna getiren
günüň dek.
5Söweşdäki esgerleriň ädikleri,
ähli gana bulaşan eşikleri,
oda taşlanyp ýakylar.
6Biziň üçin bir çaga doguldy,
bir ogul berildi bize,
hökümdarlyk onuň gerşinde bolar;
Onuň ady
Ajaýyp Maslahatçy, Gudratly Hudaý,
Ebedi Ata, Parahatlyk Şazadasy
bolar.
7Hökümdarlygy dynuwsyz öser,
parahatçylygy tükeniksiz bolar.
Dawudyň tagtyndan
baky berkarar eder öz
patyşalygyny.
Patyşalygy adalatlylyk hem
dogrulyk bilen goldar.
Hökmürowan Rebbiň yhlasy
bilen amala aşar bu.
8Taňry Ýakubyň nesline garşy söz
iberdi,
ol Ysraýylda berjaý boldy.
9Bütin halk,
Efraýymyň, Samariýanyň
ilatlary
muny bilerler.
Olar tekepbirlik,
ýürek buýsanjy bilen şeýle
diýýärler:
10«Kerpiçler ýykyldy,

ýöne ýonulan daşlardan gurarys
biz,
kerkaw agaçlary kesilip taşlandy,
ýöne kedr agaçlaryny ekeris biz».
11 Muňa görä Reb Resiniň
ýagylaryna
onuň garşysyna çykmaga güýç
berdi,
duşmanlaryny aýaga galdyrdy
olaryň,
12 gündogardan siriýalylary,
piliştlileri günbatardan.
Olar Ysraýyly ýuwudarlar,
agyzlaryny açarlar-da.
Ýöne Rebbiň gazaby sönmändi
şonda-da,
eli entek-de jeza bermäge taýyn.
13 Özüne jeza Berene
tarap öwrülmedi halk,
Hökmürowan Rebbe tabyn
bolmady.
14 Şonuň üçin Ysraýyldan başy-da,
guýrugy-da,
palma şahasyny-da, gamşy-da
bir günde kesip taşlar Reb.
15 Ýaşulular hem at-abraýly
adamlar-a başdyr,
ýalan zady öwredýän
pygamberler bolsa guýrukdyr.
16 Ýol görkezýänler bu halky
azaşdyrýarlar,
olara eýerenler bolsa
betbagtçylyga uçraýarlar.
17 Munuň üçin Reb
olaryň ýaşlaryna guwanmaz,
rehim etmez ýetimine, dul
hatynyna,
çünki her kes hudaýsyz hem pis,
hemmäniň agzyndan akmak söz
çykýar.
Bulara garamazdan,
Rebbiň gazaby sönmändi,
eli şindi jeza bermäge taýyn.
18 Pislik ot kimin ýanýar,
çalydyr tikenleri ýalmaýar ol,
tokaýyň gür ýerlerini tutaşdyrýar,
tüsse al-asmana galýar.
19 Hökmürowan Rebbiň gazabyndan
ýurt ýanar,
halky ot ýakyp-ýandyrar,
hiç kim öz doganyna rehim etmez.
20 Halk onda-munda tapanyny iýer,
ýöne şonda-da doýmaz, aç bolar,
her kes öz garyndaşynyň etini
iýer.
21 Efraýym bilen Manaşa
biri-birini ýuwudarlar,
bilelikde Ýahuda hüjüm ederler,
sönmändi Rebbiň gazaby barybir,
entek hem jeza bermäge taýyn eli.

### 10-njy bap

1 Adalatsyz parzlary çykarýanlaryň
dat gününe!
zorluk permanyny ýazýanlaryň
waý halyna!
2 Ejizleriň hakyny iýýärsiňiz,
ýoksullary adalatdan mahrum
edýärsiňiz,
dul hatynlary awlaýarsyňyz,
ýetimler oljaňyz bolýar.
3 Jeza güni,
uzakdan betbagtçylyk gelende,
näme ederkäňiz?
Kimden kömek sorarkaňyz,
nireden jaý taparkaňyz
baýlygyňyza?
4 Ýesirleriň arasynda dyza
çökmekden,
Jesetlere büdräp ýykylmakdan
gaýry
çäräňiz bolmaz siziň.
Barybir sönmändi Rebbiň
gazaby,
jeza bermäge taýyndyr
henizem Onuň eli.

### *Rebbiň Aşur baradaky hökümi*

5 Dat günüňe, Aşur!
Ol gaharymyň hasasydyr!
Elindäki taýagydyr gazabym!
6 Ony hudaýsyz milletiň garşysyna,
gazaplanan halkymyň
garşysyna iberýärin,
oňa talamagy, talanyny olja
almagy,
olary köçeleriň palçygy kimin
aýak astyna almagy buýurdym.
7 Emma Aşur patyşasy beýle niýet
edenok,
beýle pikir etmeýär ol;
ýüreginde köp milletleri gyrmak,
köki-damary bilen ýok etmek
küýündedir onuň.
8 Ol şeýle diýýär:
«Leşgerbaşylarymyň ählisi
patyşa dälmi näme?
9 Kalno şäheri Karkemiş kimin dälmi?
Arpat kimin dälmi Hamat?
Samariýa Damask kimin dälmi?
10 Iýerusalim bilen
Samariýanyňkydan-da beýik
oýma butlary bolan
butparaz patyşalyklary ele
salşym ýaly,
11 Samariýa we onuň butlaryna
edişim ýaly,
Iýerusalime we onuň butlaryna-
-da şeýle ederin».

12 Reb Sion dagynda we Iýerusalimde
ähli işini gutaranda şeýle diýer: «Aşur
patyşasyny tekepbir ýüregine, gedem
bakyşyna görä jezalandyraryn». 13 Çünki
Aşur patyşasy şeýle diýýär:
«Muny öz elimiň güýji bilen,
öz paýhasym bilen gazandym,
men paýhaslydyryn.
Milletleriň serhetlerini aýyrdym,
olaryň hazynalaryny taladym,
tagtyndan agdardym güýçli şalary.
14 Milletleriň baýlygyny tapdy elim,
höwürtge tapan ýaly;
terk edilen ýumurtgalaryň
ýygnalyşy kimin,
bütin dünýäni ýygnadym.
Ganat kakyp, agzyny açyp,
ses çykaran bolmady».

15 Palta özüni işledýäniň ýanynda
öwünermi?
Byçgy özüni ulanýandan
beýgeldermi özüni?
Özüni göterýäni götерermi taýak?
Özüni galdyrýany galdyrarmy
hasa?
16 Munuň üçin Hökmürowan Taňry
Reb,
Aşuryň semizlerine horluk ýollar,
Onuň şöhratynyň astynda ot
ýalyny tutaşar.
17 Ysraýylyň Nury ot,
onuň Mukaddesi ýalyn bolar,
ýalyn onuň tikenleridir
çalylaryny bir günde
ýakyp-ýandyrar.
18 Gözel tokaýlarydyr,
mes toprakly ýerlerini
bütinleý ýok eder Reb,
heläk bolar
agyr derde ýolugan adam deý.
19 Tokaýlarynda galan agaçlar şeýle
az welin,
çaga-da sanap, ýazyp biler olary.

### *Ysraýylyň aman galanlary*

20 Şol gün Ysraýylyň aman galanlary
we Ýakubyň nesilleriniň halas bolanlary
mundan beýläk özlerine jeza berýäne
däl-de, eýsem tüýs ýürekden Ysraýy-
lyň Mukaddesine bil baglarlar. 21 Aman
galanlar, Ýakubyň aman galanlary

gudratly Hudaýa dolanarlar. 22 Halkyň
Ysraýyl deňiz ýakasyndaky çäge deý
köp bolsa-da, onuň diňe aman galan-
lary Hudaýa dolanarlar. Karar edilen
heläkçilik dogrulyk bilen amala aşyry-
lar. 23 Gudratygüýçli–Hökmürowan Reb
höküm edişi ýaly, bütin ýer ýüzünde
heläkçiligi amala aşyrar.

24 Şonuň üçin Gudratygüýçli-Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: «Eý, Meniň
Sionda ýaşaýan halkym! Müsürliler ki-
min size garşy hasasyny galdyryp, taýak
bilen uranda, siz aşurlylardan gorkmaň.
25 Ine, biraz wagtdan gaharym ýatyşar,
gazabym aşurlylary heläk etmäge gö-
nüger. 26 Orep gaýasynda midýanlary
weýran edişi kimin, Hökmürowan Reb
olara garşy gamçy galdyrar. Hasasyny
Müsürde ýokary galdyryşy kimin deňziň
üstüne uzadar. 27 Şol gün aşurlylaryň ýü-
ki siziň gerşiňizden, boýuntyrygy siziň
boýnuňyzdan aýrylar; semizligiňizden
ýaňa boýuntyryk döwler».

28 Aýat şäherine gelýärler olar,
Migrondan geçýärler,
Mikmaşda ýüklerini goýýarlar.
29 Geçelgeden geçýärler olar,
Gebada bir gije düşleýärler,
Rama şäheri lerzana gelýär,
Şawulyň Gibga şäheriniň ilaty
gaçýar.
30 Bar sesiňe gygyr, eý, Gallym
gyzy!
Gulak goý, eý, Laýşa!
Eý, görgüli Anatot!
31 Madmena gaçyp gidýär,
Gebimiň ilaty pena agtarýar.
32 Bu gün duşmanlar Nopda galarlar,
Sion gyzynyň dagyna,
Iýerusalimiň depesine ýumruk
çenär.
33 Ine, Hökmürowan Taňry Reb
gudratly güýji bilen keser
şahalary,
iň beýik agaçlar çapylar,
belentlikleri ýere ýazylar.
34 Tokaýyň gür ýerlerini palta bilen
çapar,
Liwan Gudratly Bolanyň
öňünde ýykylar.

## 11-nji bap

### *Ýyşaýyň nesli*

1 Ýyşaýyň kötüginden bir pudak
çykar,
kökünden gögeren Şaha miwe
berer.
2 Rebbiň Ruhy:
danalyk hem paýhas,
maslahat hem güýç-gudrat,
Rebbi bilmek hem
Ondan gorkmak ruhy
Onuň üstünde bolar.
3 Ol Rebden gorkmakdan lezzet
alar,
görşüne görä höküm çykarmaz
Ol,
eşidişine görä karar çykarmaz.
4 Garyplara dogrulyk bilen kazylyk
eder Ol,
ýer ýüzündäki pukaralar üçin
dogry karar çykarar.
Buýruk bilen jezalandyrar
dünýäni Ol,
pisleri-de Öz sözleri bilen
öldürer.
5 Dogrulyk hem sadyklyk guşak
bolar biline.
6 Möjek bilen guzy bir ýerde ýaşar,
bir ýerde ýatar gaplaň we owlak,
göle, arslan we bir ýaşar mal
biledir,
olary bir ýaş bala bakar.
7 Sygyr aýy bilen bile otlar,

balalary-da bile ýatar olaryň,
arslan öküz dek saman iýer.
8 Emýän çaga gara ýylanyň hininiň
agzynda oýnar,
süýtden aýrylan çaga elini
kepjebaşyň hinine sokar.
9 Mukaddes dagymda
zelel ýetirilmez, hiç kim heläk
edilmez,
bütin ýer ýüzi
deňziň suwdan doluşy deý,
Rebbi bilmekden dolar.
10 Şol gün Ýyşaýyň köki halklara nyşan
bolar; milletler Oňa ýüz tutarlar, Onuň
mesgeni şöhratly bolar. 11 Şol gün Aşur-
dan, Müsürden, Patrosdan, Efiopiýadan,
Eýlamdan, Şingardan, Hamatdan we
adalarda aman galan halkyny yzyna
getirmek üçin, Taňry ikinji gezek elini
uzadar.
12 Ol milletler üçin baýdak galdyrar,
Ysraýylyň sürgündäkilerini
toplar,
ýer ýüzüniň dört künjeginden,
Ýahudanyň darganlaryny
ýygnar.
13 Efraýymyň gabanjaňlygy aýrylar,
Ýahudanyň duşmanlary ýok ediler,
Efraýym Ýahuda göripçilik
etmez,
Ýahuda Efraýyma duşmançylyk
etmez.
14 Olar bilelikde günbatardaky
piliştlileriň üstüne hüjüm
ederler,
bilelikde gündogaryň halkyny
talarlar,
Edoma, Mowaba garşy el
galdyrarlar,
ammonlar tabyn bolarlar olara.
15 Müsür deňziniň aýlagyny
bütinleý guradar Reb,
güýçli ýeli bilen
elini Ýewfrat derýasyna
galgadar,
ýedi çeşmä böler ony,
çarykly geçerler adamlar ondan.
16 Ysraýyllaryň Müsürden çykan
güni
Ysraýyla edişi ýaly,
Rebbiň Aşurda aman galan halky
üçin
uly ýol açylar.

## 12-nji bap

### *Alkyş we öwgi*

1 Şol gün siz, ysraýyllar şeýle
diýersiňiz:
«Ýa, Reb Saňa şükür ederin,
Sen bize
gaharlanan hem bolsaň,
gaharyň sowuldy,
teselli berdiň bize Sen.
2 Elbetde, Hudaý Halasgärimdir,
Oňa bil baglaryn, gorkmaryn
men,
çünki Reb ýeke-täk güýjümdir,
aýdymymdyr,
Ol meniň Halasgärim boldy».
3 Şatlyk bilen guýulardan suw
çekişiňiz deý,
şatlyk bilen-de halas edilersiňiz.
4 Şeýle diýersiňiz şol gün:
«Rebbe şükür ediň,
Onuň adyna öwgüler aýdyň;
milletleriň arasynda
Onuň işlerini aýan ediň,
Adynyň beýikdigini jar ediň.
5 Rebbe öwgüler aýdyň,
Ol beýik işler etdi;
ýer ýüzi bilsin muny!
6 Eý, Sion halky,
heşelle kak, gygyr!
Araňyzdaky Ysraýylyň
Mukaddesi beýikdir!»

## 13-nji

### *Babyla garşy pygamberlik*

[1] Babyl hakda Amozyň ogly Işaýa
aýanlyk arkaly gelen pygamberlik:
[2] Ýalaňaç dagyň üstünde baýdak
dikiň,
söweşijilere gygyryň sesiňiz
ýetdiginden,
begleriň derwezelerinden girer
ýaly,
olara el bulaň.
[3] Özüme bagyş edilenlere buýruk
berdim,
urşujylarymy, şanyma
guwanýanlarymy
gazabymy dökdürtmek üçin
çagyrdym.

[4] Daglardaky gykylyga gulak
goýuň,
bu köp halklaryň sesine
meňzeýär!
Bir ýere ýygnanyşýan milletleriň,
patyşalyklaryň göçgünli sesini
diňläň!
Hökmürowan Reb söweşe
goşun toplaýar.
[5] Öz gazabynyň ýaraglary bilen
bütin ýer ýüzüni weýran etmek
üçin,
uzak ülkelerden,
dünýäniň aňry ujundan geler
Reb.
[6] Perýat ediň, Rebbiň güni
ýakyndyr!
Ol Gudratygüýçli tarapyndan
weýrançylyk deý geler.
[7] Munuň üçin eller gowşar,
her ynsanyň ýüregi ýarylar.
[8] Dowla düşer olar,
yza hem gaýgy basar;
burgusy tutýan deý,
agyry çeker olar,
aňalyp birek-birege bakarlar,
ýüzleri ýalyn dek lowlar.
[9] Ine, Rebbiň güni, ýowuz gün
gelýär,
ýer ýüzüni haraba öwürmek
üçin,
ondaky günäkärleri ýok etmek
üçin,
gazap bilen, gahar ody bilen
gelýär.
[10] Gökdäki ýyldyzlar,
olaryň toplumy
yşyk bermezler;
Gün dogsa-da garalar,
Aý nuruny saçmaz.
[11] Men dünýäni ýamanlygy üçin,
etmişleri üçin jezalandyraryn
erbetleri;
tekepbirleriň gedemliginiň
soňuna çykaryn,
zalymlaryň ulumsylygyny
peselderin.
[12] Ynsanlary sap altyndan,
adamlary Opyr gyzylyndan-da
has gymmatly ederin.
[13] Şonuň üçin gökleri titrederin,
Rebbiň gahar ody lowlaýan
güni,
Hökmürowan Rebbiň gazabyndan
ýer ýüzi lerzana geler.
[14] Kowalanýan jeren kimin,
çopansyz goýunlar kimin,
her kes öz halkyna,
her kişi öz ýurduna gaçar.
[15] Tutulanlar naýzadan geçiriler,
ele düşen gylyçdan ötüriler.
[16] Çagalary gözleriniň alnynda
parça-parça ediler,
öýleri talanar,
aýallaryna el urlar.
[17] Ine, Men kümşe gyzmaýan,

altyny söýmeýän madaýlary
olara garşy öjükdirýärin.
18 Ýaş ýigitleri ýere ýazar ýaýlary,
bäbeklere rehim etmezler,
gözleri çagalary gaýgyrmaz.
19 Hudaý patyşalyklaryň iň gözeli
bolan,
babyllylaryň buýsanjy bolan
şöhratly Babyly
ýer bilen ýegsan eder
Sodom hem Gomora ýaly.
20 Ol ýer ilatsyz galar,
hiç haçan ýaşaýyş bolmaz onda,
araplar çadyrlaryny dikmezler,
çopanlar sürülerini bakmazlar.
21 Wagşy haýwanlar ýatar ol ýerde,
baýguşdan dolar öýleri,
düýeguşlar mesgen tutar,
geçiler bökjeklärler ol ýerde.
22 Saraýlarynda syrtlanlar,
köşklerinde şagallar uwlaşar;
Babylyň soňy ýakyndyr,
onuň günleri uzak bolmaz.

## 14-nji bap

### *Ýesirler gaýdyp gelýärler*

1 Emma Reb Ýakubyň nesline rehim
eder, Ysraýyly ýene saýlar we olary öz
ýurdunda ornaşdyrar. Kesekiler olara
goşulyp, ysraýyl halkyna birleşerler.
2 Halklar ysraýyllary öz ýerlerine alyp
gelerler. Ysraýyl halky Rebbiň beren
ýurdunda başga halklary özlerine gul-
-gyrnak ederler; özlerini ýesir edenleri
ýesir edip, özlerine zulum edenleriň
üstünden agalyk sürerler.
3 Reb sizi yzaňyzdan, gaýgyňyzdan we
çeken agyr işiňizden azat edende, 4 Ba-
byl patyşasyna şu tymsaly aýdarsyňyz:
«Ine, zulumkeşiň soňy geldi!
Onuň tekepbirligi tamam boldy!
5 Reb pisleriň taýagyny,
hökümdarlaryň hasasyny döwdi.
6 Ol halklara gazaply,
üznüksiz zarbalar urdy,
milletleri gazap bilen,
dynuwsyz zulum bilen
dolandyrdy.
7 Bütin dünýä dynçlykda,
rahatlykda;
olar aýdyma başlaýarlar.
8 Serwiler we Liwanyň kedr
agaçlary
üstünden şatlanyp, şeýle
diýýärler:
„Aýak astyna düşeliň bäri,
hiç kim bizi çapmaga
gelmeýär“».

9 Sen gelýärkäň ölüler dünýäsi
garşylamaga howlugýar;
ol seniň üçin ölüleri,
ýer ýüzüniň ähli başlyklaryny
oýarýar;
milletleriň ähli şalaryny
tagtlaryndan turuzýar.
10 Olaryň hemmesi saňa:
«Sen-de biz ýaly ejizlediň,
bize meňzediň!» diýerler.
11 Şan-şöhratyň, arfalaryň sesi
ölüler dünýäsine inderildi;
astyňa gurtlar düşeldi,
üstüň gurçuklara büreldi.

12 Eý, parlak ýyldyz, daň ogly,
gökden nähili gaçdyň!
Eý, milletleri ýeňen sen,
indi özüň ýere ýykyldyň!
13 Sen ýüregiňde diýdiň:
«Göklere çykaryn,
tagtymy Hudaýyň
ýyldyzlaryndan
ýokarda goýaryn.
Jemagatyň toplanan dagynda,
Zafon dagynda oturaryn.

[14] Bulutlaryň depesine çykaryn,
Beýik Hudaý ýaly ederin
özümi».
[15] Emma sen ölüler dünýäsine,
gabryň düýbüne inderilersiň.
[16] Görenler çiňerilip serederler saňa,
sen hakda oýlanyp, şeýle
diýerler:
«Ýeri sarsdyran,
patyşalyklary titreden,
[17] dünýäni çöle dönderen,
şäherleri ýer bilen ýegsan eden,
ýesirleri öýlerine goýbermedik
şumy?»
[18] Milletleriň patyşalarynyň ählisi,
hersi öz gabrynda, şöhrat içinde
ýatyr.
[19] Emma terk edilen çaga kimin
gabryňdan daşary atyldyň;
gylyçdan geçirilen,
gabryň daşly düýbüne atylan
jesetler bilen örtülýärsiň.
Aýak astynda depelenen maslyk
deý,
[20] beýleki şalar ýaly jaýlanmarsyň;
çünki sen öz ýurduňy weýran
etdiň,
öz halkyňy gyrdyň.
Pislik edýänleriň nesli
asla ýatlanmasyn!
[21] Atalarynyň etmişleri zerarly,
ogullaryny öldürmäge taýynlaň,
olar galyp, dünýäni eýelemesinler,
ýer ýüzüni şäherlerden
doldurmasynlar.

[22] «Men olara garşy galaryn, Babylyň
adyny, aman galanlaryny, ogullaryny
we nesillerini ýok ederin». Muny Reb
aýdýandyr. [23] «Ony baýguşhana, batga-
lyga öwrerin, heläkçilik sübsesi bilen
süpürerin» Muny Hökmürowan Reb
aýdýandyr.

### *Aşura garşy pygamberlik*

[24] Hökmürowan Reb ant içip, şeýle
diýýär:
«Nähili niýet eden bolsam,
şeýle-de bolar,
näme karara gelen bolsam,
şol-da amala aşar.
[25] Aşurlylary Öz ýurdumda
syndyraryn,
daglarymda olary aýak astyna
alaryn;
olaryň boýuntyrygy halkymdan
aýrylar,
ýükleri halkymyň gerdeninden
düşüriler».
[26] Bütin dünýä hakda edilen karar
budur,
ähli milletlere tarap uzan el
budur.
[27] Hökmürowan Reb karar etdi,
kim Oňa päsgel berip biler?
Ol elini uzatdy,
kim ony yzyna öwrüp biler?

### *Piliştlilere garşy pygamberlik*

[28] Ahaz patyşanyň ölen ýyly şu py-
gamberlik geldi:

[29] «Özüňizi uran taýak döwüldi
diýip
şatlanmaň, eý, piliştliler!
Ýylan tohumyndan kepjebaş dörär,
onuň miwesi-de uçýan mähnet
ýylan bolar.
[30] Garyplaryň garyby doýar,
mätäçler howpsuzlykda ýatarlar,
emma seniň köküňi açlykdan
ýaňa gyraryn,
aman galanlaryňyz-da ölersiňiz.
[31] Perýat et, eý, derweze!
Nala çek, eý, şäher!
Eý, piliştliler, gorkudan titräň!

Demirgazykdan tüsse çykýar,
goşun hatar-hatar bolup gelýär».
32 Milletiň çaparlaryna näme jogap
berler?
Reb Siony bina etdi,
Halkynyň mätäçleri onda pena
taparlar.

### 15-nji bap

#### *Mowaba garşy pygamberlik*

1 Mowap hakyndaky pygamberlik:
Hakykatdan Mowabyň Ar şäheri
bir gijede harabalyga öwrülýär,
Mowap weýran boldy!
Hakykatdan Mowabyň Kir şäheri
bir gijede harabalyga öwrülýär,
Mowap weýran boldy!
2 Dibon halky aglamak üçin
ybadathana,
seždegählere çykýar;
Mowap halky Nebo,
Meýdeba üçin perýat edýär.
Her kesiň başy takyrlanýar,
her kesiň sakgaly syrylýar.
3 Köçelerinde jul geýinýärler,
üçeklerde, meýdançalarda
her kes perýat edýär, zar-zar
aglaşýar.
4 Heşbon bilen Elgala nalyş edýär,
sesleri Ýahasa çenli eşidilýär.
Şonuň üçin Mowabyň esgerleri
aglaşýar,
gorkudan ýürekleri galdyraýar.
5 Ýüregim Mowap üçin nalyş edýär,
gaçgaklary Sogara,
Eglat Şelişiýa gaçýarlar.
Olar aglaşyp,
Luhutyň ýokarsyna çykýarlar.
Weýrançylykdan perýat
çekýärler
Horonaýym ýolunda.
6 Nimrim suwlary gurady;
otlar soldy, täze ot gögermedi,
gök öwüsýän zat galmady asla.
7 Munuň üçin gazanan
baýlyklaryny,
bar toplan zatlaryny
söwüt jülgesine äkiderler.
8 Agy bilen doldy
tutuş Mowap ýurdy;
olaryň perýady Eglaýyma,
nalyşy Beýerelime ýetýär.
9 Dimonyň suwlary gandan doly,
emma Men mundanam beterini
getirerin
Dimonyň başyna,
Mowapdan gaçanlaryň,
ýurduň aman galanlarynyň
üstüne şir getirerin.

### 16-njy bap

#### *Mowaplylar rehim dileýärler*

1 Sähra ýoly bilen Seladan
Sion gyzynyň dagyna,
ýurduň hökümdarlaryna
guzulary ýollaň.
2 Arnon geçelgesinde
Mowabyň aýallary
höwürtgesinden kowlan
öýsüz-öwzarsyz guşlara
meňzeýär.
3 «Maslahat ber,
adalaty berjaý et.
Günortan çagy gije kimin
üstümize saýa sal.
Kowulanlary gizle,
gaçgaklary ele berme.
4 Mowapdan kowlanlar
mesgen tutsun araňyzda;
weýran edýänlerden
olara pena boluň».

Sütemkär ýok bolup,
weýrançylyk soňlanar,

talaňçylar ýitirim bolarlar.
5 Tagt merhemet bilen berkidiler,
sadyklyk bilen şalyk sürer
Dawudyň nesillerinden biri,
adalaty agtarýan hökümdar
dogrulygy ýöreder.

6 Mowabyň tekepbirligi,
onuň hetdenaşa gedemligi,
men-menligi, ulumsylygy,
gazaby barada eşitdik;
boş ýere öwünýär ol.
7 Şonuň üçin Mowap perýat etsin,
her kes Mowap üçin nala
çeksin,
Kirharasediň kişmişli kökeleri
üçin
ýas tutuň, gam çekiň.
8 Heşbonyň ekin meýdanlary,
Sibmanyň üzümçilikleri
gurady;
başga milletleriň baştutanlary
saýlama üzümçilikleri
basgyladylar;
üzümçilikler Ýazere ýetip,
çöle çenli ýaýyldy;
şahalary ýaýrap,
deňizden-de aşdy.
9 Şonuň üçin Ýazer agysy bilen
Sibmanyň üzümçilikleri üçin
aglaryn men;
gözýaşym bilen suwararyn sizi,
eý, Heşbon we Elgala!
Çünki tomus miweleriň,
hasyl ýygnalýan döwründäki
şagalaň şowhunyňyz kesildi.
10 Şatlyk hem begenç aýryldy
hasylly baglardan;
üzümçiliklerde ne aýdym
aýdylýar,
ne-de heşelle kakylýar;
üzüm sykýançy üzüm sykmaýar,
kesdim olaryň şagalaň
şowhunyny.
11 Şol sebäpden ýüregim Mowap
üçin,
Kalbym Kirharaset üçin lira [a]
dek nala çekýär.
12 Mowaplylar seždegählerine çykyp,
özlerini tapdan düşürýärler; öz mukad-
des ýerlerine dileg etmäge gidýärler,
ýöne bu hiç peýda bermez. 13 Bu Rebbiň
Mowap hakynda geçmişde aýdan sözüdi.
14 Indi Reb şeýle diýýär: «Hakyna tutma
işçiniň möhleti ýaly üç ýylyň dowamyn-
da Mowabyň şan-şöhraty uly halky bilen
birlikde abraýdan düşer; gutulanlary
juda az we güýçsüz bolar».

## 17-nji bap

### *Damaska garşy pygamberlik*

1 Damask baradaky pygamberlik:
Ine, Damask indi şäher saýylmaz,
ol harabaçylyga öwrüler.
2 Aroger şäherleri terk ediler,
sürüleriň ýatýan ýerine öwrüler,
olary ürküzen bolmaz.
3 Efraýymda gala galmaz,
Damaskda şa bolmaz,
Siriýanyň aman galanlary
Ysraýyl ogullarynyň şöhraty
deý bolar.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
4 Şol gün Ýakubyň şöhraty öçer,
semiz göwresi horlanar.
5 Orakçylaryň däne hasylyny
ýygnaýşy deý,
däne başlaryny alşy deý
elleriniň,
Rapalar jülgesine däne
başlarynyň toplanyşy deý,

[a] **16:11** ***Lira*** – kirişli saz guraly. Sözlüge seret.

bolar Ysraýyl hem.
6 Zeýtun agajynyň miwesi kakylyp
alnandan soň,
depesinde iki-üç zeýtunyň
galyşy deý,
şahalarynyň uçlarynda dört-
-bäşisiniň galyşy deý,
diňe birazy aman galdyrylar.
Muny Ysraýyl Hudaýy Reb
aýdýandyr.

7 Şol gün halk nazaryny Ýaradana
diker,
gözleri Ysraýylyň Mukaddesini
görer.
8 Özleriniň guran
gurbanlyk sypalaryna
bakmazlar,
elleri bilen ýasan Aşera butlaryna,
tütetgi sypalaryna seretmezler.
9 Şol gün olaryň berk galalary
ysraýyllardan gaçan hiwileriň,
amorlaryň
terk eden şäherleri kimin çöle
döner.
10 Sen öz Halasgär Hudaýyňy
unutdyň,
Penakäriň bolan Gaýany
ýatlamadyň.
Şoňa görä ýakymly ösümlikler
ekseň-de,
özge ýurtlaň ajaýyp nahallaryny
oturtsaň-da,
11 olary eken günüň ösdürseň-de,
oturdylanlary ertesi
gülletseň-de,
hassalyk we emsiz dert gününde
hasylyň ýele sowrular.
12 Betbagtçylyk! Köp milletleriň
güwwüldisi!
Deňziň güwwüldisi deý
güwleýär olar!
Ah! Halklaryň güwwüldisi!
Güýçli tolkunlar deý
güwwüldeşýärler!
13 Milletler güýçli tolkunlaryň
uwlaýşy dek uwlaşarlar,
emma Ol olara käýär,
daglardaky şemala uçýan çöp-
-çalam deý,
uzaklara gaçarlar olar,
tüweleýiň öňündäki togalanýan
toz deý togalanarlar.
14 Agşamara, ine, howp!
Säherden öň ol ýok bolýar.
Bizi tozdurýanlaryň paýy,
bizi talaýanlaryň kysmaty
şudur.

## 18-nji bap

### *Efiopiýa garşy pygamberlik*

1 Efiopiýa derýalarynyň aňyrsynda
ganatlaryny pasyrdadýan
ýurduň dat gününe!
2 Ol Nil derýasynyň üsti bilen
gamyş gämilerinde ilçilerini
ýollaýar.
Eý, ýyldam çaparlar,
ýurtlary derýalar bilen
bölünýän,
uzyn boýly, owadan bedenli
millete,
her ýana gorky saçan halka,
haýbatly hem basybalyjy
millete gidiň!

3 Eý, bütin dünýäniň ilaty,
ýer ýüzünde ýaşaýanlar!
Daglaryň çür başynda
baýdak dikilende serediň!
Surnaý çalnanda diňläň!
4 Reb maňa şeýle diýdi:
«Günüň howurly yssysy dek,
hasyl wagtyndaky çygly bulut
dek,

mesgenimden ümsüm
serederin».
5 Hasyl ýygymyndan öň,
gülleme gutaranda,
gül üzüm bolup ýetişende,
ol bag gaýçysy bilen pudaklary
keser,
ýaýraýan şahalary kesip taşlar.
6 Hemmesi daglardaky ýyrtyjy
guşlara,
ýerdäki wagşy haýwanlara
galdyrylar.
Olar tomsuna ýyrtyjy guşlara,
gyşyna wagşy haýwanlara şam
bolarlar.
7 Şol wagt ýurtlary derýalar bilen
bölünýän,
uzyn boýly, owadan bedenli
millet,
her ýana gorky saçan halk,
haýbatly hem basybalyjy millet,
Hökmürowan Rebbe,
Hökmürowan Rebbiň adyny
goýan ýere,
Sion dagyna sowgatlar getirer.

## 19-njy bap

### *Müsüre garşy pygamberlik*

1 Müsür baradaky pygamberlik:
Ine, ýyldam buluda atlanyp,
Müsüre gelýär Reb,
Müsür butlary titreşerler,
müsürlileriň ýürekleri ýarylar
huzurynda Onuň.
2 «Müsürlileri biri-birine garşy
öjükdirerin,
dogan doganyň garşysyna,
goňşy goňşusynyň garşysyna,
şäher şäheriň garşysyna,
patyşalyk patyşalygyň
garşysyna urşar.
3 Müsürlileriň zähresini ýararyn,
niýetlerini puja çykararyn,
butlaryndan, öli ruhlaryndan,
jadygöýlerden,
ruh çagyrýanlardan maslahat
sorarlar.
4 Müsürlileri zalym hojaýynyň
eline bererin,
rehimsiz patyşa hököm sürer
üstlerinden».
Muny Hökmürowan Taňry Reb
aýdýandyr.

5 Nilde suw galmaz,
derýa çekiler, gurar.
6 Onuň ýaplary porsar,
takyrar, gurar Müsür çeşmeleri,
gamyşlar, gargylar çüýrär.
7 Niliň töweregindäki,
ýakasyndaky çaýyrlar,
onuň boýundaky bar ekinler
gurap,
sowrulyp, ýok bolup giderler.
8 Balykçylar ýas tutarlar,
Nile çeňňek taşlaýanlar
aglaşarlar,
suwa tor atýanlaryň susty
basylar.
9 Zygyrdan mata dokaýanlar
lapykeç bolarlar,
ak biz dokaýanlar umytdan
düşerler.
10 Onuň dokmaçylary howsala
düşerler,
ähli hakyna tutulanlar gam
çekerler.

11 Zogan şäheriniň hökümdarlary
akmakdyr!
Faraonyň paýhasly
maslahatçylary
pähimsiz maslahat berýärler,
siz faraona nädip:
«Men akyldarlaryň ogludyryn,

gadymy şalaryň neslidirin»
diýip bilýärsiňiz?
12 Hany, nirede seniň akyldarlaryň?
Goý, saňa aýtsynlar olar,
Hökmürowan Rebbiň Müsüre
garşy
näme niýetländigini aýan
etsinler.
13 Zoganyň hökümdarlary akmaklyk
etdiler!
Memfisiň baştutanlary
aldandylar,
tire baştutanlary Müsüri
azaşdyrdylar.
14 Reb akyly çaşyrýan ruhlary
iberdi,
serhoşuň öz gusugynyň üstünde
yranyşy deý,
olar müsürlileri bar işinde
azaşdyrdylar.
15 Müsüriň hiç kime dady ýetmez,
ne baş, ne guýruk, ne palma
şahasy, ne-de gamyş
oňa ýardam eder.

### *Müsürliler Rebbe bil baglaýarlar*

16 Şol gün müsürliler aýal ýaly bolup,
Hökmürowan Rebbiň özlerine garşy el
galdyrar gorkusyndan ýaňa titreşerler.
17 Ýahuda ýurdy müsürlilere howp salar.
Ýanynda Ýahudanyň ady agzalan her
kes Hökmürowan Rebbiň Müsüre garşy
taýynlaýan kararyndan gorkar.
18 Şol gün Müsürde bäş şäher kengan
dilinde gepläp, Hökmürowan Rebden
ant içerler. Olaryň biri Heläkçilik Şäheri
diýip atlandyrylar.
19 Şol gün Müsüriň ortarasynda Rebbe
gurbanlyk sypasy, serhedinde bolsa bir
sütün dikiler.
20 Bu Müsür topragynda
Hökmürowan Rebbe alamat we şaýat
bolar. Olar zulumdarlary zerarly Rebbe
perýat edenlerinde, Reb müsürlilere bir
halasgär hem goragçy ýollap, olary halas
eder.
21 Reb Özüni müsürlilere tanadar.
Şol gün müsürliler Rebbi tanarlar. Olar
gurbanlyklarydyr galla sadakalary bilen
Rebbe ybadat ederler; olar Rebbe wada
berip, ony berjaý ederler.
22 Reb Müsüri
jezalandyrar, ýene-de Özi olara şypa
berer. Müsürliler Rebbe dolanarlar, Reb-
de olaryň ýalbarmalaryny diňläp, olara
şypa berer.
23 Şol gün Müsürden Aşura
uly ýol bolar. Aşurlylar Müsüre gelerler,
müsürliler-de Aşura giderler. Müsürliler
aşurlar bilen bile ybadat ederler.
24 Şol gün Ysraýyl Müsür bilen Aşuryň
ýanynda üçünji ýurt bolar. Olaryň üsti
bilen dünýä ýalkanar.
25 Hökmürowan
Reb: «Halkym Müsür, Öz elimiň işi
bolan Aşur we mirasym Ysraýyl ýalkan-
syn!» diýip, olara ak pata berer.

## 20-nji bap

### *Müsüre we Efiopiýa garşy pygamberlik*

1 Aşur patyşasy Sargon baş serkerde-
sini Aşdoda ýollap, oňa garşy söweşip,
Aşdody ele saldy.
2 Şol wagt Reb Amo-
zyň ogly Işaýa: «Git-de, egniňdäki july,
aýagyňdaky çarygyňy çykar» diýdi.
Işaýa şeýle edip, diňe içki geýiminde
aýakýalaň geziberdi.
3 Reb şeýle diý-
di: «Edil gulum Işaýanyň Müsüre we
Efiopiýa alamat hem nyşan hökmünde
üç ýyllap diňe içki geýimde, aýakýa-
laň gezişi kimin,
4 Aşuryň patyşasy-da
Müsüre utanç bolsun diýip, müsürlileri
sürgün edip, efiopiýalylary ýesir alyp,
ýaşlardyr garrylary ýalaňaç, aýakýalaň,
otyrýerleri açyk halda äkider.
5 Efiopiýa
umyt baglaýan, Müsüre öwünýän halk
gorkar we utanja galar.
6 Şol gün bu ke-
nar ýakasynda ýaşaýanlar şeýle diýerler:
„Ine, Aşur patyşasyndan halas bolmak

üçin ýardam isläp, umyt baglanlarymy-
za, gör, nämeler boldy! Indi biz nähili
gaçyp gutularys?“».

## 21-nji bap

### *Babylyň, Edomyň we Arabystanyň garşysyna pygamberlik*

1 Deňiz ýanyndaky çöl hakda
pygamberlik:
Tüweleýleriň günortadan gelşi
deý,
basybalyjy-da gorkunç ýurtdan,
çölden geler.
2 Bir gorkunç görnüş aýan boldy,
haýyn haýynlyk edýär,
talaňçy talaýar.
Hüjüm et, eý, Eýlam!
Gaba, eý, Madaý!
Babyl sebäpli bolan
nalyşlaryň soňuna çykaryn.

3 Munuň üçin sanjy tutdy bilimden,
dogurýan aýalyň burgusy dek,
burgular tutdy meni;
eşidýänlerimden ýaňa iki
büküldim,
görýänlerimden ýaňa gorky
gaplady.
4 Ýüregim bikarardyr,
saňňyldaýan gorkudan ýaňa;
küýsän alagaraňkylygym
wehime salgar.

5 Iýýärler, içýärler,
halylar düşäp,
saçak ýazyp.
Eý, serkerdeler, turuň-da,
galkanlary ýaglaň!
6 Reb maňa şeýle diýdi:
«Git-de bir gözegçi goý,
goý, ol habar bersin görenini.
7 Ol söweş arabalaryny,
jübüt-jübüt atlylary,
eşeklileri, düýelileri görende,
dykgat bersin, üns bersin».
8 Gözegçi [a] gygyrdy:
«Ýa Reb,
gözegçilik diňidir gündizlerine
ornum,
nobatçylyk çekýän bütin gijeläp.
9 Jübüt-jübüt atlylar gelýär, ine,
öz söweş arabalaryny tirkäp.
„Ýykyldy, Babyl ýykyldy;
onuň but-hudaýlary ýere ýazyldy,
owradyldy“» diýip jogap berdi ol.
10 Eý, harmanda döwlen,
ýele sowrulan halkym!
Hökmürowan Rebden,
Ysraýylyň Hudaýyndan
eşidenlerimdir,
size aýan edýänim.

11 Duma baradaky pygamberlik:
Segirden [b] çagyrýar biri meni:
«Eý, gözegçi, daň atara näçe wagt
bar?
Näçe wagt bar daňyň
ýagtylmagyna?»
12 «Daň atyp barýar,
ýöne entek gije.
Ýene sorajak bolsaňyz soraň,
soňra öwrülip geliň» diýýär
gözegçi.

13 Arabystan hakyndaky
pygamberlik:
Eý, dedanlylaryň kerwenleri!
Gijäni Arabystan jeňňelinde
geçirersiňiz.

---

[a] **21:8** ***Gözegçi*** – käbir golýazmalarda *arslan*.
[b] **21:11** ***Segir*** – bu Edomyň beýleki ady.

[14] Eý, Teýma ýurdunyň halky,
suwsana suw,
bosgunlara çörek ber.
[15] Olar gylyçdan gaçdylar,
syrylan gylyçdan,
çekilen ýaýdan,
agyr söweşden gaçdylar.
[16] Reb maňa şeýle diýýär: «Hakyna
tutma işçiniň möhleti ýaly bir ýylyň
dowamynda Kedaryň şan-şöhraty söner.
[17] Kedar ogullarynyň edermen urşujylar-
dan galan kemançylary az bolar». Muny
Ysraýyl Hudaýy Reb diýdi.

## 22-nji bap

### *Iýerusalim baradaky pygamberlik*

[1] Görnüş jülgesi barada pygamberlik:
Baryňyz üçeklere çykar ýaly,
size näme boldy?
[2] Eý, şowhun-şagalaňly,
goh-galmagally, şadyýan şäher!
Öldürilenleriň gylyçdan ölmedi,
söweşde-de ölmedi.
[3] Ähli baştutanlaryň bilelikde
gaçdylar;
ýaýlaryny ulanmadylar,
ýesir düşdüler,
uzaklara gaçdylar, ýöne
tapylanlaryň bary ele düşdi.
[4] Munuň üçin men:
«Nazaryňy menden sow,
zar-zar aglaýyn» diýdim.
Eziz halkymyň weýrançylygy
üçin
teselli bermäň maňa.
[5] Görnüş jülgesinde
Gudratygüýçli–Hökmürowan
Rebbiň howsalaly,
tabyn edýän, aljyraňňy güni bolar.
Diwarlar ýykylar bu gün,
daglara perýat ediler.
[6] Eýlam söweş arabalary,
atlylary bilen sagdagyny
galgadýar,
Kir goşuny galkanlaryny
somlaýar.
[7] Söweş arabalaryndan
hyryn-dykyndyr gözel jülgeleriň,
atlylar derwezelerde nyzama
durdular.
[8] Ýahudanyň örtgüsi aýryldy.
Şol gün jeňňeliň gorhanasyna
seretdiň.
[9] Dawut şäherindäki köp
jaýryklary gördüňiz,
aşaky howza suw topladyňyz.
[10] Iýerusalimiň öýlerini sanadyňyz,
diwary berkitmek üçin öýleri
ýykdyňyz.
[11] Köne howzuň suwlary üçin,
iki diwaryň arasyndan
suw howdanyny gazdyňyz.
Ýöne ony Ýaradana seretmediňiz,
owaldan Taýynlany görmediňiz.

[12] Şol gün Gudratygüýçli–
Hökmürowan Reb
ýas baglamaga çagyrdy sizi,
saçlaryňyzy ütüp, jul
geýinmäge çagyrdy.
[13] Emma siz öküz, goýun öldürip,
et iýip, şerap içip,
şatlanýarsyňyz, begenýärsiňiz.
«Geliň, iýeliň, içeliň,
ertir biz öleris» diýýärsiňiz.
[14] Hökmürowan Reb gulagyma:
«Elbetde, ölýänçäňiz bu
günäňizden saplanmarsyňyz»
diýdi.
Muny Gudratygüýçli–
Hökmürowan Reb diýýär.

### *Köşk emeldary aýyplanýar*

[15] Gudratygüýçli–Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Git-de, patyşanyň

emeldary, köşk häkimi Şebnanyň ýanyna
bar-da, oňa şeýle diý: 16„Bu ýerde näme
işiň bar? Özüňe gabyr gazar ýaly kimiň
bar? Özüňe belentde gabyr gazýarsyň,
gaýada özüňe dynç ýer edinýärsiň. 17Eý,
güýçli kişi, Reb seni güýç bilen togalar.
Ol seni ykjam tutup, 18aýlap-aýlap, top
kimin bir giň ýurda taşlar. Sen ol ýer-
de ölersiň. Ajaýyp söweş arabalaryň ol
ýerde galar. Öz jenabyňyň öýüni biabraý
eden sensiň. 19Seni ornuňdan kowaryn,
wezipäňden boşadylarsyň.

20Şol gün Men gulum Hilkiýa ogly
Elýakymy çagyraryn. 21Seniň donuňy
oňa geýdirip, guşagyňy onuň biline
guşaryn. Häkimiýetiňi oňa bererin; ol
Iýerusalimiň ilatyna we Ýahuda halkyna
ata bolar. 22Dawudyň öýüniň açaryny
onuň gerşinden asaryn. Onuň açanyny
hiç kim ýapyp bilmez, ýapanyny hiç
kim açyp bilmez. 23Ony ýere gazyk
kimin gaýym kakaryn, ol öz nesillerine
hormat tagty bolar. 24Çadyryň gazyga
baglanyşy ýaly, onuň urugynyň çaga-
larynyň, agtyklarynyň abraýy-da oňa
baglydyr“». 25Hökmürowan Reb: «Şol
gün ýere gaýym kakylan gazyk ýerin-
den sogrular; ol çapylyp ýykylar; oňa
baglanan çadyr-da ýok bolar» diýýär.
Muny Reb aýdýandyr.

## 23-nji bap

### *Sur hakyndaky pygamberlik*

1Sur hakyndaky pygamberlik:
Eý, Tarşyş gämileri,
Sur weýran boldy,
perýat ediň!
öýsüz-öwzarsyz galdy ol.
Kiprden size habar geldi.
2Eý, ada ilaty,
deňizden geçýänleriň üsti bilen
baýan Sidon täjirleri, dymyň!
3Bol suwlar ýakasynda
Şihoryň gallasy,
Niliň hasyly girdejiňdi.
Milletleriň täjiridi ol.
4Utan, eý, Sidon, deňiz
ýakasyndaky gala,
deňiz şeýle diýýär:
«Ne burgy tutdy, ne-de dogurdym,
ne ýaş ýigitleri kemala getirdim,
ne-de ýaş gyzlary ýetişdirdim».
5Suruň halyna gynanar Müsür,
ol barada eşidende.
6Tarşyşa geçiň,
eý, adalylar, perýat ediň!
7Asly owaldan bäri bolan,
uzak ülkeleri ýurt edinen
şagalaňly şäheriňiz şumy?
8Täçleri berýän Sura garşy
beýle karar çykaran kim?
Suruň täjirleri şazadalardy,
täjirleri dünýäniň abraýly
adamlarydy.
9Bütin şan-şöhratyň gedemligini
ýok etmek üçin,
dünýäniň ähli abraýly
adamlaryny biabraý etmek
üçin,
Hökmürowan Reb şeýle karar
çykardy.
10Eý, Tarşyş gyzy,
ýurduňdan Nil kimin geç;
indi bökdenç bolmaz.
11Reb deňiz üstüne elini uzadyp,
patyşalyklary titretdi;
ýok etmegi buýurdy ol
Kengan galalaryny.
12Ol diýdi:
«Eý, Sidonyň ezilen boý gyzy,
sen indi şatlanmarsyň.
Bar, Kipre git,
ol ýerde-de saňa dynçlyk bolmaz».
13Babyllylaryň ýurduna sered-ä,
bu halk indi ýok!

Wagşy haýwanlaryň eline berdi
aşurlylar ony.
Olar gabaw diňlerini dikdiler,
galalaryny ýykyp,
haraba öwürdiler ony.

14 Perýat ediň, eý, Tarşyş gämileri!
Galaňyz weýran boldy.
15 Şol günden başlap, Sur ýetmiş ýyl – bir
patyşanyň ömrüçe unudylar. Ýetmiş ýyl
soň Suruň başyna bir kemçin hakdaky
aýdymda aýdylanlar geler:
16 Eý, unudylan kemçin,
şähere aýlan lira [a] al-da!
Lira çal-da,
köp aýdymlar aýt,
seni ýatlarlar belki-de.

17 Ýetmiş ýyldan soň, Reb Sury idär.
Sur söwdasyna dolanyp, ýer ýüzündäki
ähli patyşalyklar bilen zyna eder. 18 Onuň
düşewündi, gazanjy Rebbe bagyş ediler.
Bular hazynada toplanyp saklanmaz,
ýöne ol gazançlar Rebbiň huzurynda
ýaşaýanlar üçin bolelin azyga hem gözel
eşiklere harç ediler.

## 24-nji bap

### *Reb ýer ýüzüni jezalandyrýar*

1 Ine, Reb ýer ýüzüni weýran edip
çolardar,
ýeriň ýüzüni tanar ýaly etmez
Ol,
ilatyny dargadar.
2 Halkyň-da, ruhanyň-da,
guluň-da, hojaýynyň-da,
gyrnagyň-da, bikäniň-de,
satyn alýanyň-da, satýanyň-da,
bergidaryň-da, algydaryň-da,
karzdaryň-da, karz bereniň-de
takdyry birdir.
3 Ýer ýüzi bütinleý weýran edilip
talanar.
Muny Reb aýdýandyr.

4 Ýer ýüzi solýar, guraýar
heläk bolup, ýitip gider dünýä;
dünýäniň halklarynyň
güýçlüleri heläk bolarlar.
5 Ilatlar harama çykardy dünýäni,
olar kanunlardan çykdylar,
parzlary saklamadylar,
ebedi ähti bozdular.
6 Muňa görä dünýä lagnat ýagýar,
ilaty ýazyklarynyň jezasyny
çekýär,
şonuň üçin ýer ýüzüniň ilaty ýanyp,
gaty az adam galýar.
7 Täze şerap gutarýar,
solýar üzüm agajy,
ah çekýär şadyýanlar.
8 Depreklerem şat owazyny kesdi,
şadyýan sesler eşidilmedi,
lira sem boldy.
9 Indi aýdym aýdyp, şerap içmezler,
agyzlara ajy deger içgi.
10 Weýran bolan şäher harabalykdyr,
hiç kim girmez ýaly, ähli öý
ýapyldy.
11 Köçelerde şerap üçin nalaşýarlar,
şatlykdan nam-nyşan galmady,
begenç dünýäni terk etdi.
12 Şäher harabalyk,
bölek-bölekdir derwezeler.

13 Zeýtun agajy kakylanda,
hasyl ýygylandan soň,
artyp galan üzümler bilen
näme edilýän bolsa,
dünýädäki milletler bilen-de
şeýle bolar.

---

[a] **23:16** ***Lira*** – kirişli saz guraly. Sözlüge seret.

14 Olar seslerini gataldyp,
begenjine heşelle kakarlar,
Rebbiň beýikligi üçin
günbatardan gygyryşarlar.
15 Şonuň üçin gündogarda Rebbi
öwüň,
Ysraýylyň Hudaýy
Rebbiň adyny şöhratlandyryň
deňiz adalarynda.
16 Öwgi aýdymlary ýaňlanýar
ýeriň aňry ujunda:
«Dogry Bolana şöhrat!»
Emma men: «Garamaňlaý,
garamaňlaý!
Dat günüme!
Dönükler dönüklik edýärler,
dönükligi çäksiz olaryň» diýdim.
17 Eý, ýer ýüzüniň ilaty,
gorky, çukur we duzak
başyňyzda!
18 Gorky sesinden gaçan çukura
gapgarylar,
çukurdan çykan duzaga düşer,
gögüň penjireleri açylar,
ýeriň binýatlary titrär.
19 Jaýryk-jaýryk bolar ýer ýüzi,
bölek-bölek bolar ol,
ýer ýüzi güýçli sarsar.
20 Serhoş kimin yraň atar ol,
sakçy jaýy kimin çaýkanar,
ýazyklary oňa agyr ýük bolar,
ýykylar-da, soň galmaz ol.

21 Şol gün Reb
gökde gök goşunlaryny,
ýerde dünýäniň şalaryny
jezalandyrar.
22 Ýerzemine tussag kimin
toplanarlar,
zyndana gabalarlar,
birnäçe günden soň
jezalandyrylarlar.
23 Aýyň ýüzi gyzarar,
Gün utanar;
Hökmürowan Reb Sion dagynda,
Iýerusalimde höküm sürer,
Ýaşulularynyň öňünde
Öz şöhratyny görkezer.

### 25-nji bap

***Rebbe öwgi***

1 Ýa Reb, Sensiň meniň Hudaýym!
Seni arşa çykararyn,
alkyşa beslärin adyňy,
çünki Sen ajaýyp işler etdiň,
owaldan karar etdiň,
kämil sadyklyk bilen.
2 Sen şäheri daş üýşmegine,
diwarly şäheri harabalyga
öwürdiň;
kesekileriň köşkleri bolan
şäherleri ýok etdiň,
olar bina edilmez asla.
3 Şonuň üçin güýçli halklar
şöhratlandyrar Seni;
ýowuz milletleriň şäherleri
Senden gorkarlar.
4 Sen ýoksullara pena,
mätäçlere mätäçliginde pena
bolduň,
tupandan goraýan gaçybatalga,
yssydan goraýan kölege bolduň.
Rehimsizleriň gaharly demi
diwara urulýan tupan kimin,
5 gurak ýerdäki yssy kimindir,
kesekileriň galmagalyny
ýatyrarsyň;
bulut kölegesi bilen
yssyny basyşyň kimin,
ýowuzlaryň aýdymy-da ýatyryldy.

***Rebbiň taýýarlan meýlisi***

6 Hökmürowan Reb
bu dagda ähli halklar üçin
bol iýmitli, sap şeraply,

ýilikli, bol etden,
süzülen sap şeraply meýlis gurar.
7 Bütin halklary örten örtügi,
ähli milletleriň üstündäki
ýapynjany
bu dagdan ýok eder.
8 Ölümi ebedilik ýuwudar Ol;
gözýaşlary süpürer
Hökmürowan Reb,
halkynyň utanjyny
bütin ýer ýüzünden
aýrar Ol.
Muny Reb aýdýandyr.
9 Şol gün şeýle diýler:
«Ine, Hudaýymyz budur,
biz Oňa umyt bagladyk,
Ol bizi halas etdi.
Biziň umyt baglan Rebbimiz
budur;
halas bolanymyz üçin
begeneliň, şatlanalyň!»
10 Rebbiň eli bu dagda bolar,
dersli çukurda samanyň
depelenişi kimin
mowaplylar-da öz ýerlerinde
basgylanar.
11 Ýüzüjiniň ýüzjek bolup, ellerini
galgadyşy kimin,
olar-da onuň içinde ellerini
galgadarlar;
emma Hudaý elleriniň
ussatlygyna garamazdan,
olaryň tekepbirlerini peselder.
12 Ýer bilen ýegsan ediler,
diwarlaryndaky berkitmeler.

## 26-njy bap

### *Alkyş aýdymy*

1 Şol gün Ýahuda ýurdunda şu aýdym
ýaňlanar:
«Bizde güýçli şäher bar,
Hudaýyň halas edişi
diwarlardyr seňňerler ýalydyr.
2 Derwezeleri açyň,
sadyk, dogry millet
içeri girsin.
3 Pikiri Özüňe ýönelenleri
doly rahatlykda saklaýarsyň,
çünki olar Saňa bil baglaýarlar.
4 Rebbe ebedilik bil bagla,
çünki Beýik Hudaý ebedi
Gaýadyr.
5 Tekepbirleri kiçeldýär,
beýik şäheri ýykyp,
ýer bilen ýegsan edýär ony.
6 Ol şäher ejizleriň aýaklary,
mätäçleriň dabanlary bilen
basgylanar».

7 Dogrularyň ýoly düzdür.
Eý, Adyl Bolan,
dogrularyň ýodasyny
tekizleýärsiň.
8 Ýa Reb,
Hökümleriňiň ýodasynda,
biz Saňa intizar,
Seniň adyň we ýatlanmagyň
ýüregimiziň islegidir.
9 Gije kalbym Seni küýseýär,
janym Seni çynlakaý yzlaýar,
hökümleriň ýer ýüzündekä,
dünýäniň bütin ilaty
dogrulygy öwrener.
10 Pisler merhemet gazansalar-da,
dogrulygy öwrenmezler,
adalatsyzlyk ederler,
dogrularyň ýurdunda.
Rebbiň şan-şöhratyny görmezler.
11 Ýa Reb, el galdyrdyň,
emma ony görmediler.
Halkyňa bolan yhlasyňy görüp,
utansynlar olar.
Duşmanlaryňa niýetlenen ot,
goý, olary ýuwutsyn.
12 Ýa Reb, rahatlyk berjek Sensiň,

ähli eden işlerimizi berjaý eden
Sensiň.
13 Ýa Reb, Hudaýymyz,
Senden başga hökümdarlar
bize agalyk etdiler,
emma biz diňe
Seniň adyňa hormat goýýarys.
14 Ol hökümdarlar öldi,
olar indi ýok,
Sen olary jezalandyryp, heläk
etdiň,
olary hiç kim ýatlamaz asla.
15 Ýa Reb, Sen milleti köpeltdiň!
Milleti köpeldip, Özüňe şöhrat
gazandyň;
ýurduň ähli çäklerini giňeltdiň.

16 Ýa Reb, hasrat içinde seni
agtardylar,
Senden temmi alanlarynda,
pyşyrdap zordan dileg etdiler.
17 Dogurmak pursady ýakynlaşanda,
burgudan ejir çekip,
gygyrýan aýal nähili bolsa,
biz-de, ýa Reb,
Seniň öňüňde şeýle bolduk.
18 Biz göwreli bolduk, ejir çekdik,
emma ýelden başga zat
dogurmadyk,
ýer ýüzüne ýeňiş getirmedik,
dünýäniň ilaty ýykylmady.
19 Emma ölüleriň ýaşar,
jesetler direler.
Eý, toprak astynda ýatanlar,
oýanyň, şatlykdan aýdym
aýdyň!
Çygyň ertiriň çygy kimindir,
toprakdaky merhumlar ýaşaýşa
ýeter.
20 Geliň, eý, halkym,
otaglaryňyza giriň-de,
içinden ýapyň gapylary!
Gazap geçýänçä,
az salym gizleniň.
21 Ine, Reb dünýäniň ähli ilatyna
etmişleri üçin jeza bermäge
Öz mekanyndan çykyp gelýär;
ýer üstüne dökülen gany äşgär
eder,
öldürilenlerini ýaşyrmaz indi.

## 27-nji bap

### *Reb öz halkyny toplaýar*

1 Şol gün Reb gazaply, haýbatly,
gudratly gylyç bilen
gaçýan, towlanýan ýylan
Liwýatany –
deňiz aždarhasyny jezalandyrar.
2 Şol gün
«Ajaýyp üzümçilik barada
aýdym aýdyň.
3 Men – Reb onuň sakçysydyryn,
ony her pursat suwarýaryn,
hiç kim zyýan ýetirmesin diýip,
gije-gündiz goraýaryn.
4 Men gazaply däl,
çalylar, tikenler garşyma çyksa,
olar bilen söweşip,
baryny oda ýakaryn.
5 Ýa-da ol pena yzlap, Maňa
ýapyşsyn,
Meniň bilen ýaraşyk etsin,
ýaraşyk etsin Meniň bilen.
6 Geljekde Ýakup kök urar,
Ysraýyl gunçalap güllär,
ýer ýüzüni miweden doldurar.
7 Reb ysraýyllary jezalandyranlaryň
jezalandyryşy kimin
jezalandyrdymy?
ýa-da ysraýyllary öldürenleriň
öldürişi kimin öldürdimi?
8 Reb Ysraýyla höküm etdi,
kowup, sürgün etdi;
olary gazaply demi bilen kowup
çykardy,

gündogardan öwüsýän ýel dek.
9 Şeýdip, Ýakubyň etmişi ötüler,
günäsiniň ötülmeginiň doly
miwesi şu bolar:
Gurbanlyk sypalarynyň ähli
daşlary
hek daşlary deý owradylanda,
ne Aşera butlary, ne-de tütetgi
sypalary galar.
10 Diwarly şäher terk edilýär,
çöl kimin terk edilen,
taşlanan ýurtdyr bu;
göleler ol ýerde otlap,
agaçlaryň şahalaryny iýýärler;
ol ýerde ýatýarlar.
11 Pudaklary gurap döwler,
aýallar gelip, olary ýakarlar.
Bu halk düşünmeýän halkdyr;
şonuň üçin Ýaradany olara
rehim etmez,
Döredijisi olara merhemet
görkezmez».
12 Şol gün Reb Ýewfrat derýasyndan
Müsür derýasyna çenli sizi harman
döwegi deý ýenjer, ysraýyllary ýeke-ýe-
keden toplar.
13 Şol gün uly surnaý çalnar;
Aşur ýurdunda heläk bolanlar, Müsüre
sürgün edilenler gelip, Iýerusalimdäki
mukaddes dagda Rebbe ybadat ederler.

## 28-nji bap

### *Efraýymyň dat gününe!*

1 Efraýym serhoşlarynyň buýsanýan
täjiniň dat gününe!
Onuň şöhratly gözelligi
solup barýan güller kimindir,
hasylly deräniň başyndaky
şäheriň dat gününe!
Şerapdan doýanlar oňa
guwanýarlar.
2 Ine, Rebbiň gudratly, güýçli bir
adamy bar;
weýran edýän doly tupany
kimin,
güýçli ýagyş sili kimin,
Öz eli bilen şäheri ýere çalar.
3 Efraýymyň serhoşlarynyň
buýsanjy bolan täji
aýak astynda depelener.
4 Hasylly deräniň başynda ýerleşen,
şöhratly gözelligi solup barýan
gül,
tomusdan öň ýetişen injir dek
bolar;
ony gören, tiz ýolup iýer.

5 Şol gün
halkynyň aman galanlaryna
şöhrat täji, gözellik jygasy bolar
Hökmürowan Reb.
6 Höküm kürsüsinde oturýana
adalatlyk ruhy,
derwezede duşmana zarba urýana
medet bolar.

### *Reb baştutanlary jezalandyrýar*

7 Ruhanydyr pygamberler-de
şerapdan ýaňa yraň atýarlar,
çakyr zerarly entirekleýärler;
şerap içip ýoldan çykýarlar,
şerapdan başlary aýlanýar,
çakyr zerarly entrekleýärler,
nähak görnüşler görýärler,
höküm edenlerinde büdreýärler.
8 Ähli saçaklary gusukdan doly,
arassa ýer ýokdur asla.
9 «Olar bilimi kime öwredýärler?
Habary kime düşündirýärler?
Süýtden kesilenleremi?
Emjekden aýrylanlaramy?
10 Buýruk üstüne buýruk,
buýruk üstüne buýruk,
düzgün üstüne düzgün,
düzgün üstüne düzgün,
biraz bu ýerde, biraz ol ýerde».

11 Indi bu halka
keseki agzy bilen geplär Reb
düşnüksiz dilde sözlär.
12 Olara: «Bu dynçlyk ýeridir,
argynlara dynç beriň,
bu dynçlyk ýeridir» diýdi;
emma diňlemek islemediler.
13 Şonuň üçin olar gidip,
arkan ýykylyp,
ýaralanarlary ýaly,
duzaga düşüp, tutulary ýaly,
Rebbiň sözi olar üçin:
«Buýruk üstüne buýruk,
buýruk üstüne buýruk,
düzgün üstüne düzgün,
düzgün üstüne düzgün,
biraz bu ýerde, biraz ol ýerde»
bolar.
14 Munuň üçin eý, masgaralaýjylar,
Iýerusalimdäki bu halka
hökümdarlyk edýän siz,
Rebbiň sözüni eşidiň!
15 Siz: «Biz ölüm bilen äht edişdik,
ylalaşyk baglaşdyk ölüler
dünýäsi bilen;
uly betbagtçylyk inende ýurda,
geçip gider, bize ýetmez,
çünki biz ýalançylygy pena
edindik,
galplyk içinde gizlendik»
diýdiňiz.
16 Şonuň üçin Hökmürowan Reb
şeýle diýýär:
«Ine, Men Sionda bina daşyny,
synalan daşy,
gymmatbaha burç daşyny,
ynamdar bina goýýaryn;
Oňa bil baglan howsala düşmez.
17 Adalaty ölçeg ýüpi,
dogrulygy terezi ederin;
doly ýagyp ýalançylyk penasyny
süpürip äkider,
suwlar basar gaçybatalgany.
18 Ölüm bilen eden ähtiňiz ýatyrylar,
Gabyr bilen baglaşan
ylalaşygyňyz puja çykar;
uly betbagtçylyk gelende,
ýer bilen ýegsan bolarsyňyz.
19 Betbagtçylyk her geçende,
sizi süpürip äkider,
ol her säher, gije-gündizine
geçer».
Habara düşüneniňizde,
sizi gorky gaplar.
20 Üstünde uzalardan gysga bolar
düşek,
örtünmäge insiz bolar ýorgan.
21 Öz işini, täsin işini,
amalyny, geň amalyny ýerine
ýetirmek üçin,
Perazim dagyndaky ýaly aýaga
galar Reb,
Gibgon jülgesindäki ýaly
gazaba müner.
22 Indi masgaralamaňyzy bes ediň,
ýogsam zynjyrlaryňyz agralar,
bütin ýurduň weýran ediljekdigi
barada karara gelendigini
Gudratygüýçli–Hökmürowan
Rebden eşitdim.

23 Gulak goýuň, sesimi eşidiň,
üns beriň, sözümi diňläň.
24 Sürümçiler ekin ekmek üçin
dynuwsyz ýer sürýärlermi?
Ýeri keşläp, malalap
gezýärlermi?
25 Ýeri tekizlänlerinden soň,
künji, zire sepmeýärlermi?
Bugdaýy hatarlaýyn,
arpany öz ýerinde,
ýazlyk bugdaýy-da
öz ýerinde ekmeýärlermi?
26 Hudaýy olara görkezme berer,
öwreder.
27 Künji döwek bilen döwülmez,

tigir ýöredilmez ziräniň
üstünden,
künji tokmak bilen,
zire-de taýak bilen döwülýär.
28 Bugdaý çörek üçin üwelýär,
emma ol ebedilik döwülmez,
üstünden arabadyr atlar
aýlansa-da,
bugdaý üwelmez.
29 Bu-da Hökmürowan Rebdendir,
Onuň maslahaty ajaýyp,
paýhasy beýikdir.

## 29-njy bap

### *Iýerusalim gabawy*

1 Dawudyň mesgen tutan şäheri
Ariýeliň [a] dat gününe!
Ýylyň ýylyna
baýramlaryňyz dowam
edibersin.
2 Ariýele azap çekdirerin,
ýas tutar, perýat eder ol,
Meniň üçin gurbanlyk ojagy [b]
kimin bolar.
3 Daş-töweregiňde düşelge guraryn,
töweregiňe gabaw diňler gurup,
seni gabaryn,
garşyňa berkitmeler dikerin.
4 Sen peseldilip, ýeriň astyndan
geplärsiň,
sözleriň toprak içinden geler;
sesiň jynyň sesi dek ýerden çykar,
topragyň teýinden pyşyrdap
eşidiler sözleriň.
5 Duşmanlaryňyň köpüsi toz dek
bolar,
zalymlaryň sowrulan saman
çöpi deýindir.
Birdenkä, duýdansyz,
6 Hökmürowan Reb gök gürrüldisi
bilen,
ýer titremesi, uly şowhun bilen,
harasat we tupan bilen,
ýalmaýan oduň ýalny bilen
geler.
7 Ariýele garşy söweşýän ähli
milletler,
onuň we galalarynyň garşysyna
söweşýänler,
ony gysýanlar
düýş kimin, gijeki görnüş kimin
bolarlar.
8 Düýşünde nahar iýen aç kişi,
oýanansoňam aç bolýandyr,
düýşünde suw içen teşne,
oýanansoňam teşnedir.
Sion dagyna garşy söweşýän
ähli milletler topary-da şu
ahwala düşer.

### *Nadan halk*

9 Doňup galyň, gatap galyň!
özüňizi kör ediň, göreçden
galyň,
serhoş boluň, ýöne şerapdan däl,
entirekläň, ýöne çakyrdan däl.
10 Reb sizi agyr uka batyrdy,
pygamberler gözleriňizi
ýumdurdy,
görgürler başlaryňyzy örtdi.
11 Ähli görnüş siziň üçin möhürli
kitabyň sözleri kimindir. Ony okap
bilýänlere berip: «Şuny oka» diýseňiz,
olar: «Okap bilmeýäris, ol möhürlenen»
diýerler. 12 Okap bilmeýänlere berip:
«Şuny oka» diýseňiz, olar: «Okap bil-
meýäris» diýerler.

---

[a] **29:1** ***Ariýel*** – bu Iýerusalimiň beýleki adym.
[b] **29:2** ***Ariýele… gurbanlyk ojagy*** – ýewreýçe *Ariýel* we *gurbanlyk ojagy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

13 Reb şeýle diýýär:
«Bu halk Maňa ýakynlaşyp,
dili, dodaklary bilen Meni
hormatlaýar,
ýöne ýürekleri Menden
uzakdadyr.
Ynsan buýruklaryna görä
Maňa ybadat edýärler olar.
14 Muňa görä Men ýene
bu halkyň arasynda gudratlar,
gudrat üstüne gudrat görkezerin.
Danalary danalykdan mahrum
bolar,
akyllylary akyldan aýrylar».
15 Öz niýetlerini Rebden gizlemäge
çalyşýanlaryň, dat gününe!
Işleri garaňkylykda bolup,
olar: «Bizi kim görýär?
Bizi kim tanaýar» diýýärler.
16 Siz bar zady tersine öwürýärsiňiz,
küýzegär toýun bilen deň
hasaplanarmy?
Ýasalan zat özüni ýasana:
«Ol meni ýasamady» diýermi?
Şekillendirilen zat şekillendirene:
«Onuň düşünjesi ýok diýermi?»

### *Geljege umyt*

17 Liwan az salymyň içinde
hasylly meýdana öwrülmezmi,
mes toprakly ýer tokaý kimin
görünmezmi?
18 Şol gün kerler
kitabyň sözlerini eşiderler,
tümlük, garaňkylyk içinde
körleriň gözleri açylar.
19 Pukaralar ýene Rebde şatlyk
taparlar,
mätäçler Ysraýylyň
Mukaddesinde galkynarlar.
20 Zalymlar ýok bolarlar,
masgaralaýjylaryň soňuna
çykylar,
ýamanlyk etmäge garaşýanlar
ýok ediler.
21 Olar ynsana töhmet atýarlar,
kaza duzak gurýarlar,
şäher derwezesinde.
Haklyny adalatdan nähak
mahrum edýärler.
22 Munuň üçin Ybraýymy halas
eden Reb
Ýakubyň nesilleri hakda şeýle
diýýär:
«Ýakup indi utanmaz,
Onuň ýüzi gyzarmaz indi.
23 Öz elim bilen ýaradan çagalarymy
öz aralarynda görenlerinde,
adymy mukaddes saýarlar;
Ýakubyň Mukaddesini
mukaddes saýarlar,
Ysraýyl Hudaýyndan gorkarlar.
24 Ýolundan azaşanlar düşünerler,
arz-şikaýat edýänler tälim
alarlar».

## 30-njy bap

### *Pitneçi halk*

1 «Pitneçi halkyň dat gününe!
Olar Meniňkini däl-de,
öz niýetlerini berjaý edýärler;
Menden soraşman ylalaşyk
baglaşyp,
günä üstüne günä goşýarlar.
Muny Reb aýdýandyr.
2 Faraonyň penasynda penalamak
üçin,
Müsüriň kölegesinde gonalga
gözlemek üçin,
Menden geňeşsiz Müsüre
gidýärler.
3 Faraonyň goragy olara utanç,
ryswalyk bolar Müsüriň
kölegesini penalamak.
4 Baştutanlary Zoganda bolup,

ilçileri Hanase ýetenem bolsalar,
5 özlerine peýdasy bolmadyk
halk zerarly utanja galar olar.
Ne ýardam berýär bu halk,
ne-de peýda berýär,
gaýtam olary utanja we gyjalata
goýýar».

6 Negep haýwanlary barada
pygamberlik:
urkaçy hem erkek arslanyň,
alahöwreniň hem uçýan ýylanyň
ýaşaýan,
alada hem hasrat ýurdunyň
üstünden geçip,
baýlyklaryny eşekleriniň
arkasyna,
hazynalaryny düýeleriniň
örküjine atyp,
peýdasyz halka äkidip
berýärler.
7 Müsüriň ýardamy boş hem
peýdasyzdyr.
Munuň üçin Men ony:
«Ümsüm oturýan Rahap» [a]
diýip atlandyrdym.

8 Indi git-de, muny ýasy daş
bölegine ýaz,
düýrlenen kagyza geçir.
Bu geljekki günler üçin
ebedi şaýat bolsun!
9 Bu pitneçi halk,
hilegär ogullar,
Rebbiň öwüdine
gulak goýmaýan ogullardyr.
10 Olar görgürlere: «Görmäň»,
pygamberlere: «Bize dogry
zatlary pygamberlik etmäň,
süýji sözler aýdyň bize,
hileli zatlary pygamberlik ediň.
11 Ýoldan sowluň, ýodadan aýrylyň,
bizi Ysraýylyň Mukaddesi bilen
ýüzleşdirmäň» diýýärler.
12 Munuň üçin Ysraýyl Mukaddesi
şeýle diýýär:
«Bu sözi ret edip,
zulum hem hilegärlige bil baglap,
olara daýanýandygyňyz üçin,
13 bu etmiş belent diwarda peýda
bolup
opurylyp gelýän jaýryk kimin
bolar;
diwaryň ýykylyşy duýdansyz
bolup geçer.
14 Döwlüşi küýzegäriň küýzesiniň
döwlüşi kimindir;
ol şeýle bir pytrar welin,
döwükleriň arasynda ojakdan ot
almaga,
guýudan suw almaga
ýarajak bölek tapylmaz».
15 Munuň üçin Hökmürowan Reb,
Ysraýylyň Mukaddesi şeýle
diýýär:
«Maňa dolanyp, rahatlyk tapanda
halas bolarsyňyz;
güýjüňiz asudalykda we
ynamda bolar»,
ýöne siz islemeýärsiňiz.
16 Siz: «Ýok, biz atly gaçarys»
diýdiňiz.
Şonuň üçin gaçarsyňyz!
Siz: «Ýüwrük atlara müneris»
diýdiňiz.
Şonuň üçin kowguçylar ýüwrük
bolar.
17 Bir kişiniň haýbatyndan
müň kişi gaçar,
bäş kişiniň haýbatyndan
siz gaçarsyňyz,
aman galanlaryňyz

[a] **30:7** ***Rahap*** – gadymy rowaýatlarda duş gelýän äpet deňiz jandary. Sözlüge seret.

dagyň depesindäki baýdak syrygy,
depedäki baýdak kimin
bolarsyňyz.

18 Reb size merhemet etjek bolup
garaşýar,
ýokarda size rehim etmäge häzir,
çünki Reb adalat Hudaýydyr;
Oňa intizarlar nähili bagtly!
19 Eý, Sionyň–Iýerusalimiň halky,
aglamarsyňyz indi siz!
Perýat edeniňizde,
size merhemet eder Ol,
ony eşideninde, size jogap berer.
20 Reb size azap çöregini,
külpet suwuny berse-de,
Mugallymyňyz indi gizlenmez,
gözüňiz bilen Ony görersiňiz.
21 Saga, sola öwrüleniňizde,
yzyňyzdan: «Ýol budur,
şundan ýöräň» diýen sesi
eşidersiňiz.
22 Onsoň kümüş bilen örtülen
butlaryňyzy,
altyna gaplanan heýkelleriňizi
haram saýarsyňyz;
olary haram esgi hökmünde
taşlarsyňyz,
siz olara: «Güm boluň!»
diýersiňiz.
23 Reb ýere sepen tohumyňyz üçin
ýagyş berer,
ýer hasylynyň çöregi bol we
bereketli bolar.
Şol gün mal-garalaryňyz giň
örülerde otlarlar.
24 Ýer bejerýän öküzler bilen eşekler
kürek we ýabak bilen sowrulan
saýlama iým iýer.
25 Uly gyrgynçylyk gününde, diňler
ýykylanda,
her beýik dagda, her belent
baýyrda
akar suwly çeşmeler bolar.
26 Rebbiň Öz halkynyň ýaralaryny
sarap,
Öz ýetiren şikesine şypa beren
güni,
Aýyň nury Günüň nury dek,
Günüň nury ýedi Günüň nury dek,
ýedi esse artyk bolar.

### *Reb Aşury jezalandyrýar*

27 Ine, Rebbiň Özi uzakdan gelýär,
lowlaýan gazap bilen gara
buludyň içindedir Ol;
dodaklary gahardan doly,
dili ýalmaýan ot kimindir.
28 Onuň demi joşup,
kekirdege ýetýän çeşme
kimindir,
milletleri heläkçilik eleginden
geçirer,
halklaryň agzynda ýoldan
azaşdyrýan agyzzyryk bolar.
29 Mukaddes baýram bellenýän
gijesindäki dek
aýdym aýdarsyňyz;
Rebbiň dagyna, Ysraýylyň
Gaýasyna
tüýdük çalyp çykýan dek,
ýüregiňiz şatlanar.
30 Reb haýbatly sesini eşitdirer,
lowlaýan gazap bilen,
ýalmaýan ot ýalny bilen,
bulutlaryň partlamasy bilen,
tupan hem doly bilen
golunyň gudratyny görkezer.
31 Rebbiň sesinden Aşur wehim
eder,
Ol hasasy bilen Aşury urar.
32 Rebbiň olaryň üstünden inderýän
jeza hasasynyň her zarbasy
depreklerdir liralar bilen amala
aşyrylar;
Reb gazaply söweşler bilen

garşysyna çykar onuň.
33 Jesetler ýakylýan bir ýer
taýynlandy,
hawa, ol patyşa üçin
taýynlandy;
ol ýer çuňňur hem giň edildi,
ol odun bilen dolduryldy.
Kükürt akymy kimin
ony ýandyrar Rebbiň demi.

## 31-nji bap

### *Müsür bilen birleşmek netijesizdir*

1 Medet sorap, Müsüre gidýänleriň,
atlara daýanýanlaryň,
köpdükleri üçin söweş
arabalaryna,
güýçlüdikleri üçin atlylara bil
baglaýanlaryň
dat gününe!
Olar Ysraýylyň Mukaddesine
ýüz tutmaýarlar,
Rebden maslahat soramaýarlar.
2 Emma Reb danadyr,
Ol betbagtçylyk getirer, sözüni
yzyna almaz,
ýamanlyk edýänlere garşy aýaga
galar,
pislere kömek edýänlere garşy
çykar.
3 Müsürliler Hudaý däl, ynsandyr,
ruh däldir, tendir atlary;
Reb elini uzadanda,
kömekçi-de, kömek alan-da
ýykylar,
ählisi birlikde heläk bolar.
4 Çünki Reb maňa şeýle diýdi:
«Arslan, awunyň başynda
arlaýan ýaş arslan,
bir topar çopan bolup, daşyna
geçseler-de,
olaryň sesinden gorkmaz,
galmagallaryndan ürkmez,
Hökmürowan Reb-de,
Sion dagynda, onuň depesinde
uruşmak üçin aşak iner şeýdip.
5 Guşlaryň ganat gerip,
öz çagalaryny goraýşy dek,
Hökmürowan Reb-de
Iýerusalimi gorar;
Ol ony gorar, halas eder,
rehim eder, azat eder».
6 Eý, ysraýyl halky,
garşysyna uly pitne turzan
Rebbe tarap öwrüliň!
7 Şol gün her kes,
günä üçin öz eli bilen ýasan
altyndyr kümüş butlaryny ret
eder.
8 «Onsoň aşurlylar ynsanyňky
bolmadyk gylyçdan
ýykylarlar,
adamzadyňky bolmadyk
gylyçdan ölerler,
olar gylyçdan gaçarlar,
ýaş ýigitleri-de gul ediler.
9 Gorkudan ýaňa ýykylar olaryň
gaýasy,
serkerdeleri baýdagy görüp
titreşerler».
Muny ody Sionda,
ojagy Iýerusalimde bolan Reb
aýdýandyr.

## 32-nji bap

### *Adyl döwlet wada berilýär*

1 Ine, patyşa dogrulyk bilen şalyk
eder,
hökümdarlar adalatlyk bilen
höküm sürerler.
2 Olaryň hersi ýelden buky,
tupandan pena,
gurak ýerde bulaklar,
teşne ýurtdaky uly gaýanyň
kölegesi dek bolar.

3 Görýänleriň gözleri ýumulmaz,
eşidýänler-de gulak goýarlar.
4 Akylsyzyň akyly goýalar,
sakaw açyk-aýdyň geplär.
5 Akmaga mundan beýläk asylzada
diýilmez,
ýaramaza hormat goýulmaz.
6 Akmak biedeplik bilen gepleýär,
onuň niýeti pislik etmekdir,
işi ýamanlyk etmek,
Rebbe dil ýetirmek,
açlary aç,
suwsuzlary suwsuz goýmakdyr.
7 Hilegäriň ýaragy ýamandyr,
pukara dogry sözleýän hem bolsa,
olar ýalan sözleri bilen ony heläk
etjek bolup,
niýetlerini ýamana dikýändirler.
8 Emma asylzada asylly niýet edýär,
asylly işlerinde berk durýar ol.

### *Özüne buýsanýan aýala duýduryş*

9 Eý, özlerine buýsanýan aýallar,
turuň, sesimi eşidiň!
Eý, özlerine daýanýan aýallar,
sözüme gulak goýuň!
10 Eý, özlerine buýsanýan aýallar,
bir ýyldan soňra titreşersiňiz,
çünki üzüm hasyl bermez,
miwe ýygymy bolmaz.
11 Eý, özlerine daýanýan aýallar
titreşiň,
eý, özlerine buýsanýan aýallar
sandyraşyň,
eşikleriňizi çykaryp atyp,
biliňize jul baglaň!
12 Ajaýyp ekin meýdanlary üçin,
hasylly üzüm bagy üçin,
döşüňize urup aglaşyň!
13 Halkymyň tikendir çaly biten
topragy üçin,
şadyýan şäherdäki şatlykdan
doly
öýler üçin aglaşyň!
14 Köşk terk ediler,
şowhunly şäher boş galar;
galadyr gözegçi diňi harabalyga,
gulanlaryň giň ýerine,
sürüleriň örüsine öwrüler.
15 Üstümize ýokardan Ruh
dökülýänçä,
çöl hasylly meýdana
öwrülýänçä,
mes toprakly ýer tokaýa
dönýänçä şeýle bolar.

### *Asuda durmuş*

16 Onsoň çölde adalat mesgen tutar,
dogrulyk hasylly meýdanda
ýaşar.
17 Dogrulygyň miwesi rahatlyk,
netijesi asudalyk, ebedi
howpsuzlykdyr.
18 Halkym öýlerinde rahatlykda,
howpsuz ýerlerde,
asuda mesgende ýaşarlar.
19 Jeňňel bütinleý ýok bolsa-da,
ýer bilen ýegsan edilenem bolsa
şäher,
20 her çeşmäniň boýunda ekin ekýän,
öküzi, eşegi boş iberýän
siz bagtly bolarsyňyz!

## 33-nji bap

### *Ýardam üçin ýalbaryş*

1 Özi weýran edilmän,
weýran edýäniň,
özüne dönüklik edilmän,
dönüklik edýäniň dat gününe!
Weýran edeniňden soň,
özüňi-de weýran ederler;
dönüklik etmegi bes edeniňde,
saňa-da dönüklik ediler.
2 Ýa Reb, bize merhemet et!
Biz Saňa umyt baglaýarys.

Säherlerine güýç ber,
hasratly pursatlarda bizi halas
et!
3 Gudratly sesiňden halklar
gaçýarlar,
şan-şöhratyňdan milletler
dagaşýarlar.
4 Oljaňyz çekirtgeleriň ýygnaýşy
kimin ýygnalýar,
olar çekirtgeleriň topulyşy deý
oljanyň üstüne topulýarlar.
5 Beýikdir ýokarda oturan Reb,
adalatdan, dogrulykdan
doldurýar Ol Siony.
6 Ol seniň döwürleriň berk
binýadydyr,
bol danalyk hem bilim bolar;
Ol yzygiderli halas eder.
Rebden gorkmak halkynyň
hazynasydyr.
7 Ine, batyrlary köçelerde perýat
edýärler,
zar-zar aglaşýarlar parahatçylyk
ilçileri.
8 Şaýollar çolarýar,
ýolagçylar ol ýoldan geçmez.
Şertnama bozulýar,
antlaryny [a] ret edýärler,
ynsanlary äsgermeýärler.
9 Ýurt ýas tutup, ruhdan düşýär,
Liwan utançdan saralyp-solýar,
Şaron Araba çöli kimindir;
Başan we Karmel ýapraklaryny
dökýär.
10 Reb: «Indi aýaga galaryn,
indi beýgelerin,
belende göterilerin.
11 Siz samandan hamyla bolup,
sypal dogurýarsyňyz;
demiňiz sizi ýalmaýan otdur.
12 Halklar ýanyp, kül bolarlar,
kesilip, oda ýakylan tikenler
dek bolarlar».
13 Eý, uzakdakylar, edenlerimi
eşidiň,
eý, ýakyndakylar, gudratymy
biliň!
14 Siondaky günäkärler dowla düşüp,
hudaýsyzlar lerzana geldi:
«Haýsymyz ýalmaýan oduň
başynda
ornaşyp bileris?»
15 Dogruçyl ýaşap, dogry
sözleýänler
sütem bilen gazanylan gazanjy
ýigrenýänler,
elini para almakdan saklaýanlar,
gan döküşiklige gulak
gabartmaýanlar,
ýamanlyga gözlerini ýumýanlar
16 belentliklerde ýaşarlar.
Gaýalardaky galalar penalary bolar,
çörekleri berler, teşne
galdyrylmazlar.

### *Ajaýyp patyşanyň ýurdy*

17 Gözüňiz patyşany gözelliginde
görer,
uzaklara uzaýan ýurdy görer.
18 Pikiriňde öňki howply günler
barada oýlanarsyň:
«Salgyt toplan nirede?
Paç ýygnan nirede?
Diňleri sanan nirede?»
19 Mundan beýläk wyjyrdaşýan,
ýat dilde gepleýän
tekepbir halky görmersiňiz.
20 Baýramlar geçirilýän Sion
şäherine seret!
Gözleriňiz asuda mekan,
sarsmaz çadyr bolan Iýerusalimi
görer,

---

[a] **33:8** ***Antlaryny*** – käbir golýazmalarda *şäherleri*.

onuň gazyklary sogrulmaz asla,
ýüpleriniň hiç biri üzülmez.
21 Giň derýalardyr çeşmeleriň bolan ýerinde,
şöhratly Reb biz bilen bolar,
olardan ne kürekli gämiler,
ne-de uly gämiler geçer.
22 Reb biziň kazymyzdyr,
biziň kanun çykaryjymyzdyr,
Reb patyşamyzdyr,
Ol bizi halas eder.
23 Gämileriňiň ýüpleri çözüldi,
bogaldagy gaýym saklap bilmeýär,
ýelkeni açyp bilmedi.
Şonda köp oljalar paýlaşylar;
hatda agsaklar-da olja talaň salar.
24 Sion ilatynyň hijisi: «Men syrkaw» diýmez;
ol ýerde ýaşaýan halkyň etmişleri ötüler.

## 34-nji bap

### *Milletlere garşy höküm*

1 Eý, milletler, golaýrak geliň-de, eşidiň!
Eý, halklar, diňläň!
Ýer ýüzi we ondaky her kes,
dünýädäkiler, onda döränleriň bary eşitsin!
2 Reb milletlere gaharlanýar,
goşunlaryna garşy gazaby tutaşýar,
olary bütinleý ýok eder,
ölüme berer.
3 Ölüleri daşary taşlanar,
maslyklarynyň ysy ýaýrar,
daglardan olaryň gany akar.
4 Gögüň ähli goşunlary çüýrär,
asman kagyz kimin düýrlener;
ähli asman jisimleri
üzüm agajynyň ýapragy dek,
injir agajynyň ýapragy dek solarlar.
5 Gylyjym göklerde gandan gandy,
ine, gylyjym Edomyň üstüne,
bütinleý ýok etjek halkymyň üstüne
jeza üçin iner.
6 Rebbiň gylyjy gana bulanandyr,
guzudyr owlaklaryň ganyndan doludyr,
ýag, goçlaryň böwrek ýagy bilen örtülendir;
Rebbiň Bosrada gurbanlygy bar,
Edomda uly gyrgyn bolar.
7 Ýabany gäwmişler,
öküzçelerdir, güýçli öküzler
ýere serler.
Ýurtlary gana eziler,
topraklary ýaga.
8 Rebbiň öç güni,
Sionyň ynjamasyndan ar alyş ýyly bolar.
9 Edomyň çeşmeleri ergin şepbige
topragy kükürde,
ýurdy ýanyp duran şepbige öwrüler.
10 Gije-gündiz sönmez ol,
tüssesi baky tütär,
nesilden-nesle çolarar ýatar,
asyrlar boýy içinden hiç kim geçmez.
11 Gotanlar bilen kirpiler Edomy eýelärler,
baýguşlardyr gargalar mesgen tutarlar onda,
Reb onuň üstüne aljyraňňylyk ýüpüni,
weýrançylyk ýüpüni ölçemek üçin çeker.
12 Şalyk sürer ýaly asylzadalary ýok indi,
ähli hökümdarlary hiç indi.
13 Köşklerinde tikenler,

galalarynda çitçitidir bürmekler
gögerer,
şagallaryň mekanyna,
düýeguşlaryň mesgenine öwrüler.
14 Wagşy haýwanlar syrtlanlara
duşarlar,
dag goçlary höwürlerini çagyrarlar,
gijeki jandarlar-da ol ýerde
ornaşyp,
dynç almaga ýer taparlar.
15 Ol ýerde baýguşlar höwürtgeläp,
ýumurtgalar we çagalar,
olary öz saýasyna üýşürerler,
çaýkeller-de jübüt-jübütden
toplanar.
16 Rebbiň kitabyndan okap agtaryň:
bulardan hijisi-de kem bolmaz,
hiç biri öz jübütini ýitirmez.
Muny Reb buýurdy,
Onuň Ruhy olary üýşürdi.
17 Olar üçin bije atdy,
Öz eli bilen ýurdy ölçäp paýlady,
Olar ony baky eýelärler,
ol ýerde ýaşarlar nesiller boýy.

## 35-nji bap

### *Mukaddes ýol*

1 Çöl-beýewan we gury ýer şatlanar,
çöl guwanyp, nerkes kimin güllär.
2 Gül-pürçük bolar ol,
şatlykdan, guwançdan ýaňa
nagma aýdar.
Liwanyň gözelligi,
Karmeliň, Şaronyň görki berler
oňa.
Olar Rebbiň şöhratyny,
Hudaýymyzyň şan-şöhratyny
görerler.
3 Ejiz gollara gujur beriň,
kuwwat beriň ejiz dyzlara.
4 Towşanýüreklilere:
«Gaýrata galyň! Gorkmaň!
Ine, Hudaýyňyz öç almaga gelýär,
Ol mynasyp hak bilen gelip,
sizi halas eder» diýiň.
5 Şonda körleriň gözleri,
kerleriň gulaklary açylar;
6 Agsaklar keýik kimin bökjeklärler,
lal diller şatlykdan aýdym aýdarlar;
düzden suwlar,
çölden çeşmeler çogup çykar;
7 Gyzgyn gum howdana,
teşne toprak suw bulaklaryna
öwrüler;
şagallaryň mesgen tutan meýdanyna
gamyş, gargy gamyş biter.
8 Ol ýerde şaýol bolar,
oňa Mukaddes Ýol diýler;
haram adam ondan geçmez,
ol diňe şol Ýola golaý
ýaşaýanlaryňky bolar,
hatda akmaklar-da ol ýoldan
azaşmaz.
9 Arslan bolmaz ol ýerde,
ýyrtyjy haýwan ol ýola çykmaz,
olar onda tapylmaz,
bu ýoldan diňe halas edilenler
ýörärler.
10 Rebbiň azat edenleri yza dolanarlar,
aýdym aýdyp, Siona[a] gaýdyp
gelerler;
ebedi şatlyga gowşar olar,
begençden, şatlykdan dolarlar,
gaýgydyr gam-gussa ýok bolar.

## 36-njy bap

### *Sanherip Iýerusalimi gorkuzýar*
*(2 Patyşalar 18:13-37)*

1 Hizkiýa patyşanyň şalygynyň on dör-
dünji ýylynda Aşur patyşasy Sanherip

[a] **35:10** ***Sion*** – bu Iýerusalimiň beýleki ady. Sözlüge seret.

Ýahudanyň ähli galalaryna garşy hüjüm
edip, olary basyp aldy. 2 Aşur patyşasy
baş wezirini uly goşun bilen Lakyşdan
Iýerusalime Hizkiýa patyşanyň ýanyna
iberdi. Ol gelip, Çyrpyjy meýdanynyň
ýolundaky ýokarky howdanyň ýanyn-
daky ýabyň ýanynda durdy. 3 Köşgi
dolandyryjy Hilkiýanyň ogly Elýakym,
Şebna kätip we Asafyň ogly Ýowa – pa-
tyşanyň baş emeldary, olaryň ýanyna
bardylar. 4 Baş wezir olara Hizkiýa şeýle
diýiň diýdi: «Beýik Aşur patyşasy şeýle
diýýär: „Sen nämä bil baglaýarsyň? 5 Sen
harby ukybyň we güýç-kuwwatyň gür-
rüňini edýärsiň, emma olar boş sözlerdir.
Sen kime bil baglap, meniň garşyma
gozgalaň turuzdyň? 6 Ine, sen döwük
gamyş kysmy Müsüre bil baglaýarsyň.
Emma kim şol döwük gamşa hasa hök-
münde söýense, şonuň eline batar. Müsür
patyşasy faraon hem özüne bil baglaýan-
laryň hemmesi üçin-de şeýledir. 7 Eger
sen maňa: ‘Biz Hudaýymyz Rebbe bil
baglaýarys’ diýseň, onda Hizkiýanyň
Ýahuda we Iýerusalime ýüzlenip: ‘Siz
Iýerusalimde şu gurbanlyk sypasynyň
öňünde sežde ediň’ diýip, onuň ýykan
seždegähleri, gurbanlyk sypalary Huda-
ýyňky dälmi näme? 8 Indi gel-de, meniň
jenabym Aşur patyşasy bilen bäsleş.
Eger-de men size iki müň sany at ber-
sem, siz olara münmäge şonça adam
tapyp bilersiňizmi? 9 Onsoň siz nädip
jenabymyň iň pes derejeli serkerdesini
ýeňip biljek? Siz söweş arabalary we
atlylary bar diýip, Müsüre bil bagla-
ýarsyňyzmy? 10 Munuň üstesine-de, siz
meni bu ýurdy weýran etmäge Rebden
rugsatsyz gelendir öýdýärsiňizmi? Reb
maňa şu ýurduň üstüne çoz-da, ony
derbi-dagyn et diýdi“».

11 Onsoň Elýakym, Şebna we Ýowa baş
wezire şeýle diýdiler: «Haýyş edýäris,
biz gullaryň bilen öz düşünýän dili-
mizde – arameýçe gürleş. Biziň bilen
ýahudalaryň dilinde gürleşme, diwa-
ryň üstündäki adamlar diňläp durlar».
12 Emma baş wezir olara şeýle jogap
berdi: «Jenabym meni bu sözleri diňe
jenabyňyza we size aýtmak üçin ýolla-
dymy näme? Diwaryň üstünde oturan
adamlara aýtmak üçin hem ýollama-
dymy eýsem? Olar hem siziň ýaly öz
täretlerini iýip, öz peşewlerini içerler».

13 Onsoň baş wezir dik durup, bar sesi
bilen gygyryp, ýahuda dilinde gepledi.
Ol: «Beýik patyşa bolan Aşur patyşa-
synyň sözlerini diňläň. 14 Patyşa şeýle
diýýär: „Hizkiýa özüňizi aldatmaň,
ol sizi halas edip bilmez“. 15 Hizkiýa:
„Reb bizi hökman halas eder we bu
şäher Aşur patyşasynyň eline beril-
mez“ diýip, size Rebbe bil baglatmasyn.
16 Hizkiýa gulak asmaň! Aşur patyşasy
şeýle diýýär: „Meniň bilen ýaraşyk
ediň-de, meniň ýanyma geliň. Şonda
her kim öz üzümçiliginiň hem-de injir
daragtynyň miwesinden iýip, öz gu-
ýusyndan suw içer. 17 Soňra men gelip,
sizi öz ýurduňyza meňzeş bir ýurda
alyp bararyn. Ol ýer bugdaý, şerap,
çörek, üzümlik mekanydyr“. 18 Hiz-
kiýanyň: „Reb bizi halas eder“ diýip,
aldamakçy bolýan sözlerine gulak as-
maň. Haýsy milletleriň hudaýlary öz
ýurduny Aşur patyşasynyň elinden
halas edipdir? 19 Hamadyň, Arpadyň
hudaýlary nirede? Separwaýymyň hu-
daýlary nirede? Samariýanyň hudaýlary
olary meniň elimden halas etdilermi?
20 Rebbiň Iýerusalimi meniň elimden
halas ederi ýaly, bu hudaýlaryň ara-
synda öz ýurtlaryny meniň elimden
halas edeni barmy?»

21 Emma halkdan ses çykmady, oňa
jogap gaýtaran bolmady, çünki Hizkiýa

patyşa: «Oňa jogap gaýtarmaň» diýip
tabşyrypdy. 22 Şeýdip, köşgi dolandyryjy
Hilkiýanyň ogly Elýakym, Şebna kätip
we Asafyň ogly Ýowa – patyşanyň baş
emeldary dagy ýakalaryny ýyrtyp, Hiz-
kiýanyň ýanyna gelip, oňa baş weziriň
sözlerini aýdyp berdiler.

## 37-nji bap

### *Hizkiýa patyşa Işaýadan maslahat soraýar*

*(2 Patyşalar 19:1-34)*

1 Hizkiýa patyşa Rabşakanyň sözle-
rini eşiden-de, ýakasyny ýyrtyp, jul
geýnip, Rebbiň öýüne gitdi. 2 Patyşa
köşgi dolandyryjy Elýakymy, Şebna
mürzäni we ýaşuly ruhanylary Amo-
zyň ogly Işaýa pygamberiň ýanyna
iberdi. Hemmesi jul geýdiler. 3 Olar
Işaýa pygambere şeýle diýdiler: «Hiz-
kiýa patyşa şeýle diýýär: „Şu gün biz
hasrat, jeza we ryswalyk astyndadyrys;
biziň ýagdaýymyz kuwwaty bolmadyk
göwreli aýalyň çaga dogurýan bolşy
ýalydyr. 4 Onuň alyhezreti Aşur pa-
tyşasynyň iberen baş weziriniň diri
Hudaýy masgaralamak üçin aýdan
sözlerini, belki, Hudaýyň Reb eşi-
dendir; Hudaýyň Reb şol sözleri üçin
olary jezalandyrar. Indi aman galan
adamlar üçin dileg et“».
5 Hizkiýanyň hyzmatkärleri Işa-
ýa pygamberiň ýanyna gelenlerinde,
6 Işaýa pygamber olara şeýle diýdi:
«Jenabyňyza aýdyň, Reb şeýle diýýär:
„Aşur patyşasynyň hyzmatkärleriniň
Meni kemsidip aýdan sözlerini eşi-
deniň üçin olardan gorkma. 7 Men
onuň içine bir ruh ibererin welin, ol
bir habar eşidip, öz ýurduna dolanar.
Men ony öz ýurdunda gylyç bilen
öldürderin“».

### *Aşur patyşasynyň haýbaty*

8 Baş wezir Aşur patyşasynyň La-
kyşdan gaýdandygyny eşidip, yzyna
dolandy. Ol patyşanyň Libna galasyna
garşy urşup ýörendigini gördi. 9 Paty-
şa Efiopiýa patyşasy Tirhakanyň özi
bilen uruşmaga çykandygyny eşiden-
de, ol Hizkiýanyň ýanyna çaparlar
ýollady. 10 Aşur patyşasy Ýahuda pa-
tyşasy Hizkiýa şeýle habar iberdi: «Bil
baglaýan Hudaýyň „Iýerusalim Aşur
patyşasynyň eline berilmez“ diýip, seni
aldamasyn. 11 Aşur patyşasynyň ähli
ýurtlary bütinleý ýok edip, halklaryň
başyna nä günleri getirendigini eşi-
densiň. Indi siz halas edilermikäňiz?
12 Ata-babalarymyň derbi-dagyn eden
milletlerini – Gozany, Harany, Resepi
we Telasarda bolan Eden halkyny öz
hudaýlary ata-babalaryňyň elinden halas
etdimi? 13 Hamat, Arpat we Separwa-
ýym galalarynyň şalary, Henanyň we
Ywahyň şalary nirede?»

### *Hizkiýanyň dilegi*

14 Hizkiýa haty çaparlaryň elinden
alyp okady. Onsoň ol Rebbiň öýüne
baryp, haty Rebbiň öňünde açyp goýdy.
15 Hizkiýa Rebbiň huzurynda dileg edip,
şeýle diýdi: 16 «Eý, keruplaryň üstünde
tagt guran Ysraýyl Hudaýy Reb! Bütin
dünýäniň patyşalyklarynyň Hudaýy
Sensiň, Sen ýeke-täksiň. Ýeri-gögi ýa-
radan-da Sensiň. 17 Ýa Reb, gulak as-da,
eşit, ýa Reb, gözleriňi aç-da gör. San-
heribiň diri Hudaýy masgaralap aýdan
sözlerini eşit. 18 Ýa Reb, hakykatdanam,
Aşur patyşalary ähli milletleri we olaryň
ýurtlaryny weýran etdiler. 19 Şol millet-
leriň hudaýlaryny oda atyp ýakdylar,
olar hudaýlar däldi. Olar adamlaryň
agaçdan we daşdan ýasan butlarydy.

[20] Indi, eý, Hudaýymyz Reb, bizi Aşur patyşasynyň elinden halas et. Ýa Reb, goý, bütin dünýäniň ähli patyşalyklary Seniň ýeke-täk Hudaýdygyňy bilsinler».

### *Işaýa Aşur patyşasy barada pygamberlik edýär*

[21] Onsoň Amozyň ogly Işaýa pygamber şeýle sözler bilen Hizkiýanyň ýanyna adam iberdi: «Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär: „Aşur patyşasy Sanherip barada dileg edendigiň üçin,

[22] Rebbiň ol barada aýdan sözleri
şudur:
Sion boý gyzy
ýigrenç bilen seni kemsidýär,
Iýerusalim gyzy [a]
seniň üstüňden gülýär.

[23] Sen kimi masgaralap, kime dil
ýetirdiň?
Kimiň garşysyna sesiňe bat
berip,
kime ulumsylyk bilen gabak
galdyrdyň?
Ysraýylyň Mukaddesine!
[24] Hyzmatkärleriň üsti bilen
Taňryny masgaralap,
şeýle diýdiň:
‘Birtopar söweş arabalarym
bilen
daglaryň üstüne çykdym,
Liwanyň jümmüşine bardym,
onuň iň uzyn kedr agaçlaryny,
gözel serwi agaçlaryny çapdym.
Men onuň iň beýik depesine,
gür jeňňeline baryp ýetdim.
[25] Men guýular gazyp,
suwuny içdim.
Müsüriň ähli derýalaryny,
öz dabanym bilen guratdym’.
[26] Eşitmediňmi näme sen
ozaldan şu netijä gelenimi?
Gadymdan bäri muny ýüregime
düwüp ýördüm,
indi şu gün ony amala
aşyrýaryn,
sen galalary weýran edersiň,
harabaçylyga öwrersiň.
[27] Bu galalaryň ilaty ejizdi,
aljyrap howsala düşdüler.
Olar meýdan ösümlikleriniň,
mymyk gök maýsalyklaryň,
tamyň üstündäki otlaryň,
ösmänkä gurap ýok bolşy dek
boldular.

[28] Emma seniň oturyp-turşuňy,
girip-çykyşyňy,
Maňa garşy dyzaýşyňy bilýärin.
[29] Meniň garşyma dyzanlygyň,
gopbamsylygyň
gulagyma gelip ýetendigi üçin,
burunlygymy burnuňa,
agyzzyrygymy-da agzyňa dakyp,
seni gelen ýoluň bilen
yzyňa ugradaryn Men“».

[30] Işaýa Hizkiýa şeýle diýdi: «Seniň
üçin alamat şudur: „Şu ýyl we geljek
ýyl siz özi biten zady iýersiňiz, üçünji
ýyl bolsa özüňiz ekip, hasylyny orup
alyň we üzüm baglaryny oturdyň-da,
şolaryň miwelerini iýiň. [31] Ýahuda nesil-
leriniň gutulyp aman galanlary ýene-de
aşakda kök urup, ýokarda miwe bererler.
[32] Aman galanlar Iýerusalimden, halas
bolanlar Sion dagyndan çykyp gelerler.
Bu Hökmürowan Rebbiň yhlasy bilen
amala aşar“».
[33] Reb Aşur patyşasy barada şeýle diý-
ýär: «Ol bu şähere girmez, ok atmaz, bu

[a] **37:22** ***Sion boý gyzy… Iýerusalim gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

şäheriň garşysyna galkanly çykmaz we
şäheriň diwaryna ýaplap ýapgydy dik-
mez. 34 Ol gelen ýoly bilen yzyna gaýdar,
bu şähere girmez. Muny Men – Reb
aýdýandyryn. 35 Men bu şäheri Özümiň
hem-de gulum Dawudyň hatyrasy üçin
gorap, ony halas ederin».

### *Sanheribiň ölümi*
*(2 Patyşalar 19:35-37)*

36 Rebbiň perişdesi gidip, aşurlylaryň
düşelgesinde ýüz segsen bäş müň adamy
öldürdi. Ertesi daňdan turup görseler,
ol ýeri jesetden doly eken! 37 Aşur paty-
şasy Sanherip düşelgäni taşlap, öýüne
gitdi. Ol Ninewä gelip, şol ýerde galdy.
38 Sanherip öz hudaýy Nisrokyň butha-
nasynda oňa sežde edip durka, ogullary
Adrammelek bilen Sareser kakalaryny
gylyç bilen öldürdiler-de, Ararat ýurduna
gaçyp gitdiler. Onsoň onuň ýerine ogly
Esarhadon patyşa boldy.

## 38-nji bap

### *Hizkiýanyň hassalygy*
*(2 Patyşalar 20:1-8)*

1 Şol döwürlerde Hizkiýa keselläp,
ölüm ýassygynda ýatyrdy. Amozyň
ogly Işaýa pygamber onuň ýanyna ge-
lip: «Reb şeýle diýýär: „Öýüňdäkilere
wesýet et, çünki sen ölersiň, sen bu
keselden gutulmarsyň“» diýdi. 2 Onsoň
Hizkiýa ýüzüni diwara tarap öwrüp,
Rebbe dileg edip: 3 «Saňa ýalbarýaryn,
ýa Reb, meniň Saňa bütin kalbym bilen
wepaly bolanymy hem-de Seniň naza-
ryňda dogry işleri edenimi ýatla» diýdi.
Hizkiýa sojap-sojap aglady.
4 Şondan soň Işaýa pygambere Rebbiň
şu sözi aýan boldy: 5 «Git-de, Hizkiýa
şeýle diý: „Ataň Dawudyň Hudaýy Reb:
‘Seniň dilegiňi eşitdim, gözýaşlaryňy
gördüm. Men seniň ömrüňi on bäş ýyl
uzaldaryn. 6 Men seni we bu şäheri Aşur
patyşasynyň elinden halas ederin. Men
Iýerusalimi goraryn’ diýýär diý“».
7 Reb beren wadasyny ýerine ýetirer.
Rebden saňa alamat şudur: 8 «Ine, Men
Ahazyň basgançagyna düşen kölegäni
on ädim yza süýşürerin». Şeýdip, Gün
düşmeli ýerinden on ädim yza çekildi.
9 Ýahuda patyşasy Hizkiýa keselinden
gutulandan soň şulary ýazdy:

10 «„Ömrümiň iň ýagşy çagynda,
men gitmeli;
ölüler dünýäsiniň
derwezelerinden girip,
galan ýyllarymdan mahrum
edildim“ diýdim.
11 „Diriler ýurdunda Rebbi
görmerin.
Bu dünýäde ýaşaýanlar kimin
ynsana gözüm düşmez mundan
artyk“ diýdim.
12 Öýüm çopanyň çadyry kimin
sogrulyp, elimden alyndy.
Ömrümi dokmaçy kimin kesdim,
Reb meni erişden kesdi;
bir günüň içinde soňuma çykdyň.
13 Ertire çenli sabyrsyzlyk bilen
garaşdym;
ol arslan kimin bar süňklerimi
döwdi;
bir günüň içinde soňuma çykdyň.
14 Garlawaç, durna kimin gygyrdym,
gumry kimin iňledim,
gözlerim göge bakmakdan
ýadady.
Ýa Reb, men zulum içinde,
dadyma ýetiş!
15 Näme diýeýin?
Meniň bilen gepleşen,
muny eden Rebdir,
kalbymyň hasratlydygy zerarly
ömürboýy pespäl gezerin.

16 Ýa Reb, ynsanlary ýaşadýan
Sensiň,
meni-de Sen ýaşadýarsyň,
meni sagalt, meni ýaşat!
17 Çeken ejirim-ezýetim
öz haýryma boldy;
meni söýendigiň üçin
janymy heläkçilik çukuryndan
sakladyň,
ähli günälerimi arkaňa atdyň.
18 Ölüler dünýäsi Saňa şükürler
aýtmaz,
ölüm Saňa öwgüler aýtmaz,
Seniň wepalylygyňa
umyt baglap bilmezler
gabra inýänler.
19 Bu gün meniň edişim ýaly,
diriler, diňe diriler
Saňa şükür edýärler,
atalar perzentlerine
Seniň wepalylygyňy bildirýärler.
20 Reb meni halas eder,
bütin ömrümiz boýy Rebbiň
öýünde
kirişli saz gurallary bilen
nagmalar aýdarys».
21 Işaýa pygamber Hizkiýanyň hyz-
matkärlerine: «Ýenjilen injir getiriň-de,
ony patyşanyň çybanynyň üstüne ýapyň.
Şondan soň ol sagalar» diýipdi. 22 Hiz-
kiýa Işaýa pygamberden: «Üçünji güni
meniň Rebbiň öýüne barjakdygyma
näme alamat bolar?» diýip sorapdy.

## 39-njy bap

***Babyldan gelen çaparlar***
*(2 Patyşalar 20:12-19)*

1 Şol döwürde Babyl patyşasy Bala-
danyň ogly Merodakbaladan Hizkiýa
patyşanyň keselländigini we sagalan-
dygyny eşidip, oňa wekillerinden hatlar
bilen peşgeş ýollady. 2 Hizkiýa Babyl
patyşasynyň wekillerini şatlyk bilen
kabul etdi; olara hazynasyndaky küm-
şüni, altynyny, hoşboý ysly zatlaryny,
gymmatbaha ýaglaryny, ýarag gorhana-
syny hem-de ammarlaryndaky zatlary
görkezdi. Ol köşgündäki we bütin paty-
şalygyndaky zatlaryň baryny wekillere
görkezdi. 3 Onsoň Işaýa pygamber Hiz-
kiýa patyşanyň ýanyna gelip, ondan:
«Bu adamlar saňa näme diýdiler? Olar
seniň ýanyňa nireden geldiler?» diýip
sorady. Hizkiýa hem: «Olar uzak ýurt
Babyldan geldiler» diýip jogap berdi.
4 Işaýa: «Olar seniň köşgüňde nämeler
gördüler?» diýip, Hizkiýadan sorady.
Hizkiýa: «Olar meniň köşgümdäki zat-
laryň ählisini gördüler. Ammarlarymda
olara görkezilmedik zadym galmady»
diýip jogap berdi.
5 Onsoň Işaýa pygamber Hizkiýa şeý-
le diýdi: «Hökmürowan Rebbiň sözüni
eşit: 6 „Bir gün seniň köşgüňdäki zat-
laryň hemmesi we ata-babalaryňyň tä
şu güne çenli ýygnan zatlarynyň bary
Babyla äkidiler, ýekeje zat hem gal-
dyrylmaz. 7 Seniň öz bagryňdan önen
ogullaryň Babyla sürgün edilip, şol
ýerde patyşanyň köşgünde agtalar bolar-
lar“». 8 Onsoň Hizkiýa Işaýa pygambere:
«Rebbiň seniň üstüň bilen aýdan sözi
ýagşy sözdür» diýdi. Hizkiýa: «Meniň
döwrümde asudalyk we howpsuzlyk
bolar» diýip pikir edýärdi.

## 40-njy bap

***Hudaýyň halky köşeşdirilýär***

1 Hudaýyňyz: «Teselli beriň,
halkyma teselli beriň» diýýär.
2 Iýerusalime mylaýym sözleri
aýdyň:
söweş möhletiniň
gutarandygyny,

ýazyklarynyň geçilendigini,
günäleriniň jezasyny Rebbiň
elinden
iki esse edip alandyklaryny
yglan ediň.
3 Bir ses gygyrýar:
«Sährada Rebbe ýol taýynlaň,
çölde Hudaýymyz üçin ýoda
düzläň.
4 Ähli dereler beýgeldiler,
ähli daglar we depeler
peseldiler,
aňňat ýerler tekizlener,
beýikli-pesli ýerler düzlüge
öwrüler.
5 Şonda Rebbiň şöhraty aýan bolar,
ähli ynsanlar ony birlikde
görerler,
muny aýdýan Rebdir».

6 «Jar et!» diýýär bir ses.
Men: «Nämäni jar etmeli?»
diýdim.
Ähli ynsanlar otluk kimindir,
olaryň gözelligi meýdan güli
kimindir.
7 Reb demini üflände,
ot guraýar, gül solýar.
Hakykatdan hem, halk otlukdyr.
8 Ot guraýar, gül solýar,
emma Hudaýymyzyň sözi ebedi
galýar.
9 Eý, Sion, hoş habar,
beýik daga çyk!
Eý, Iýerusalim, hoş habar,
sesiňi batly gatalt!
Sesiňi batlandyr, gorkma;
Ýahuda şäherlerine:
«Ine, Hudaýyňyz!» diýiň.
10 Ine, Hökmürowan Reb güýji bilen
gelýär,
Ol gudrat bilen höküm sürýär,
baýragy ýanyndadyr,
laýyk haky öňündedir.
11 Ol sürüsini çopan kimin bakýar,
guzulary Öz eline alýar,
olary göterip, bagryna basýar,
ene goýunlara ýol görkezýär.

### *Rebbe taý ýok*

12 Suwlary goşawujy bilen,
gökleri garşy bilen ölçän kim?
Ýeriň tozuny ölçege salan,
Baýyrlary terezide,
daglary gapanda çeken kim?
13 Rebbiň Ruhuna kim akyl ýetirdi?
Kim Oňa maslahat berip bildi?
14 Akyl üçin Ol kimden maslahat
sorady?
Adalat ýoluny Oňa öwreden
kim?
Oňa bilim berip,
paýhas ýoluny görkezen kim?
15 Ine, milletler ýagyş damjasy
kimin,
terezilerdäki toz kimin saýylýar,
Ol adalary toz deýin äkidýär.
16 Liwan jeňňeliniň oduny ýeterlik
bolmaz,
mallary ýakma gurbanlyga
azlyk edýär.
17 Ähli milletler Onuň öňünde hiç
zatdyr,
olary hiç zat hasaplap,
boşlukdan-da pes saýýar.
18 Onda Hudaýy kime
meňzedýärsiňiz?
Haýsy meňzetmäni
ulanýarsyňyz Onuň üçin?
19 Butumy? Ony bir hünärment
guýýar,
zergär ony altyna gaplaýar,
onuň üçin kümüş zynjyr
ýasaýar.
20 Beýle gurbanlyga gurby
çatmaýan kişi,

bir çüýremez agajy saýlaýar.
Mäkäm oturdylan but ýasatjak bolup,
ökde ussanyň gözlegine çykýar.
21 Bilmeýärmisiňiz? Eşitmediňizmi?
Size başdan aýdylmadymy?
Dünýä ýaradylany bäri düşünmediňizmi?
22 Zemin gümmezinde oturýan Oldur,
ýerde ýaşaýanlar çekirtgeler kimindir,
gökleri perde kimin gerip,
ýaşamak üçin çadyr kimin ýazýan Oldur.
23 Şazadalary hiç edýän,
dünýäniň hökümdarlaryny
puja çykarýan Oldur.
24 Olar ekilip, sepilip,
baldaklary ýere zordan kök uran dessine,
Reb demini üfleýär, olar guraýarlar,
harasat olary saman dek sowurýar.

25 «Meni kime meňzedersiňiz?
Kim Maňa taý geler?»
Muny Mukaddes Bolan diýýär.
26 Gözleriňizi göge tarap galdyryň,
Bulary ýaradan kim?
Reb gökdäki goşunlary
ýekeme-ýeke çykarýar,
atlaryny tutup, çagyrýar,
Onuň zor güýjüne,
beýik gudratyna görä
olaryň hiç biri kemlik etmeýär.
27 Näme üçin, eý, Ýakup, eý, Ysraýyl:
«Ýolum Rebbe aýan däldir,
Hudaýym hakyma dykgat bermedi» diýýärsiňiz?
28 Bilmeýärsiňizmi? Eşitmediňizmi?
Reb – ebedi Hudaý,
ýeriň ähli künjeginiň Ýaradyjysy.
Ol ejizleýän ýa-da ýadaýan däldir,
Onuň düşünjesine akyl ýetmez.
29 Ol ejizleri kuwwatlandyrýar,
mejalsyzlaryň güýjüni artdyrýar,
30 Hatda ýaşlar-da ysgyndan gaçyp, ýadaýarlar,
ýaş ýigitler-de büdräp, ýykylýarlar.
31 Emma Rebbe umyt baglaýanlar
täzeden güýç toplarlar,
bürgütler dek ganat ýaýyp belende galarlar,
ýüwrerler, ýöne ýadamazlar,
ýörärler, ýöne ysgyndan gaçmazlar.

## 41-nji bap

### *Reb Ysraýyla medet berýär*

1 «Eý, adalar, Meniň huzurymda dymyň,
halklar täzeden güýç toplasynlar,
olar ýakyna gelip, geplesinler;
höküm üçin bile toplanalyň.
2 Gündogardan dogry adamy aýaga galdyran kim?
Ony hyzmatyna çagyran kim?
Milletleri onuň eline berýär,
patyşalary aýak astynda ezýär,
olary gylyjy bilen tozana,
sowrulan samana öwürýär ýaýy bilen.
3 Kowalaýar olary,
sag-aman geçýär
aýak basmadyk ýodasyndan.
4 Başdan nesilleri çagyryp,
bulary eden, tamamlan kim?
Men – Reb olar bilen ilkibaşdan boldum,
ahyrda hem olar bilen boljak Mendirin.

5 Adalar muny görüp, gorkýarlar,
ýeriň aňry uçlary titreşýärler,
olar ýakynlaşyp gelýärler.
6 Hersi beýlekisine kömek edýär,
biri-birine: „Batyr bol!“ diýýär.
7 Hünärment zergäri,
çekiç bilen tekizleýän
sandala urýany ruhlandyrýar.
Kebşirleýiş hakda: „Bu gowy
boldy“ diýýär;
gozganmaz ýaly çüý bilen
berkidýär.
8 Emma seni, eý, bendäm Ysraýyl,
Öz saýlanym Ýakup,
dostum Ybraýymyň nesilleri,
9 ýeriň aňry ujundan topladym,
uzak ýerlerden çagyryp:
„Siz Meniň bendämsiňiz,
Men sizi saýladym, terk
etmedim“ diýdim.
10 Gorkmaň, siziň bilendirin Men,
heder etmäň, Hudaýyňyzdyryn
Men,
size güýç bererin, ýardam ederin,
sadyk sag golum bilen söýget
bererin.
11 Size garşy gazaplanýanlaryň
ählisi
utandyrylar, ile ryswa ediler.
Hiç zat dek ýogalyp giderler
size garşy çykýanlar.
12 Duşmanlaryňyzy
tapyp bilmersiňiz
agtararsyňyz-da,
hiç zatça bolman ýogalyp
giderler
size garşy çykýanlar.
13 Hudaýyňyz Men – Reb
sag eliňizden tutaryn,
size: „Gorkmaň, ýardam ederin“
diýýän Mendirin.
14 Eý, ýer gurçugy Ýakup,
eý, Ysraýyl adamlary, gorkmaň!
Size kömek ederin.
Muny Men – Reb,
Ysraýylyň Mukaddesi,
Penakäriňiz aýdýandyr.
15 Ine, Men sizi ýiti, täze, dişli
döwek guraly etdim;
siz daglary döwersiňiz,
owradarsyňyz,
baýyrlary saman çöpi kimin
edersiňiz.
16 Siz olary sowrarsyňyz,
şemal olary uçuryp äkider,
harasat olary pytradar.
Onsoň siz Rebde şatlanarsyňyz,
Ysraýylyň Mukaddesinde
şöhratlanarsyňyz.
17 Garyplar, mätäçler suw agtarýarlar,
ýöne suw ýok;
teşnelikden kepeýär agyzlary,
Men – Reb olara jogap bererin,
Ysraýyl Hudaýy Men olary terk
etmerin.
18 Men açyk depelerden derýalar,
dereleriň ortasyndan bulaklar
akdyraryn;
çöli köle, gury ýeri
suwly çeşmelere öwrerin.
19 Çölde kedr, akasiýa, mirt,
zeýtun agaçlaryny oturdaryn,
serwini, çynary, arçany sährada
bile dikerin.
20 Onsoň hemmeler
muny Rebbiň eliniň edendigini,
Ysraýylyň Mukaddesiniň
ýaradandygyny
górerler, bilerler,
akyl ýetirerler, düşünerler».

### *Butlar biderekdir*

21 Reb: «Dawaňyzy aýdyň» diýýär,
Ýakubyň Patyşasy:
«Subutnamaňyzy getiriň»
diýýär.

22 «Butlaryňyzy getiriň,
goý, olar näme boljagyny
aýtsynlar,
oýlanyp, soňuny bilerimiz ýaly
geçmişde bolanlary aýan
etsinler,
ýa-da boljak zatlary bize habar
bersinler.
23 Siziň hudaýlardygyňyzy bilerimiz
ýaly,
bize mundan soň boljak zatlary
bildiriň;
gorkup, heder ederimiz ýaly,
ýa ýagşylyk, ýa-da ýamanlyk
ediň.
24 Emma siz hiç zatsyňyz,
işleriňiz-de biderek;
sizi saýlan ýigrenjidir.
25 Men demirgazykdan birini
öjükdirdim,
ol gelýär,
gündogardan adymy tutup
çagyrýan biri.
Ol küýzegäriň toýny depeleýşi
kimin
hökümdarlary palçyk kimin
depelär.
26 Biz biler ýaly, kim muny
başlangyçdan yglan etdi?
„Ol mamla“ diýerimiz ýaly, kim
öňünden habar berdi?
Hiç kim habar bermedi, hiç kim
jar etmedi,
hiç kim sözleriňizi eşitmedi.
27 Ilki Siona: „Ine, olar!“ diýip aýan
etdim,
Iýerusalime habarçy ýolladym.
28 Seretdim, ýöne hiç kim ýok,
aralarynda maslahatçy ýok,
soragyma jogap berjek ýok.
29 Ine, olaryň hemmesi galp,
işleri hiç zatdyr,
butlary boş ýeldir».

## 42-nji bap

### *Rebbiň bendesi*

1 Ine, Meniň goldaýan bendäm,
göwnühoş bolup saýlanym;
Ruhumy oňa berdim,
ol milletlere adalat getirer.
2 Ol gygyrmaz, sesini gataltmaz,
sesi köçelerde asla ýaňlanmaz.
3 Ýenjilen gamşy döwmez,
tüteýän peltäni söndürmez,
sadyklyk bilen adalat getirer.
4 Ejizlemez, ruhdan düşmez ol,
ýer ýüzünde adalaty
berkidýänçä,
adalar onuň kanunyna
garaşarlar.
5 Gökleri ýaradyp, olary geren,
ýeri we ondakylary ýaýan,
ondaky ynsanlara dem beren,
onda gezýänlere jan beren
Hudaý
şeýle diýýär:
6 «Men – Reb seni dogrulyk bilen
çagyrdym,
eliňden tutup, goraryn seni,
halka äht hökmünde bererin
seni,
Seni milletlere nur ederin.
7 Kör gözleri açmak,
tussaglary tussaglykdan,
zulmatda oturanlary zyndandan
azat etmek üçin seni halka äht,
milletlere nur ederin.
8 Men Rebdirin. Bu Meniň
adymdyr;
şöhratymy başga hiç kese,
öwgülerimi butlara bermerin.
9 Ine, öňki zatlar amala aşdy,
Men täze zatlary yglan edýärin;
ýüze çykmazdan öň
olary size aýan edýärin».

### *Rebbe öwgi aýdymy*

10 Eý, deňiz syýahatçylary, deňziň
içindäkiler,
adalar we onda ýaşaýanlar,
Rebbe täze aýdym aýdyň,
ýeriň aňry ujundan öwgüler
aýdyň!
11 Çöl we onuň şäherleri,
kedarlylaryň ýaşaýan obalary
sesini gataltsyn!
Selanyň ilaty şatlykdan aýdym
aýtsyn,
daglaryň başyndan
gygyryşsynlar!
12 Olar Rebbi şöhratlandyryp,
adalarda Oňa öwgüler aýtsynlar.
13 Reb pälwan dek öňe gidýär,
urşujy kimin gazabyny
artdyrýar,
gygyryp, söweş nagrasyny çekýär,
duşmanlaryndan üstündigini
görkezýär.

### *Reb öz halkyny halas edýär*

14 Men uzak wagtlap dymdym,
ümsüm bolup, Özümi
sakladym;
indi dogurýan aýal dek
çygyraryn,
sojap dem alaryn.
15 Daglary, baýyrlary weýran ederin,
ähli ösümliklerini guradaryn,
derýalary adalara öwrerin,
howdanlary guradaryn.
16 Körleri bilmeýän ýollaryndan
äkiderin,
iderin tanyş bolmadyk
ýodalaryndan,
öňlerinde garaňkylygy ýagtylyga,
çarkandakly ýerleri tekiz ýere
öwrerin.
Mendirin bulary etjek,
olary terk etmerin.
17 Oýma butlara bil baglap,
guýma butlara: «Hudaýlarymyz
sizsiňiz»
diýýänler yzlaryna uly utanç
bilen dönderiler.

### *Kör we ker Ysraýyl*

18 Eý, kerler eşidiň!
Eý, körler, serediň, görüň!
19 Bendämden başga kim kör?
Kim ýollan habarçym dek ker?
Kim Maňa bagyş edilen dek kör?
Ýa Rebbiň bendesi kimin kör?
20 Ol köp zatlary görýär,
emma üns bermeýär,
gulaklary açyk, ýöne eşitmeýär.

21 Öz dogrulygy zerarly
kanunyny beýgeltmek,
şöhratlandyrmak
Rebbe ýarady.
22 Emma bu dagan, talanan halkdyr.
Ählisi gowaklarda duzaga
düşen,
Tussaghanalarda gizlenen;
olar olja boldular, halas edýän
ýok.
Talandylar, «Yzyna gaýtar!»
diýýän ýok.
23 Araňyzda muňa gulak goýjak,
geljekde ünsli diňlejek barmy?
24 Ýakuby talaňçylara,
Ysraýyly garakçylara beren
kim?
Bu garşysyna günä eden
Rebbimiz dälmidi?
Olar Onuň ýolundan ýöremek
islemediler,
Onuň kanunyna gulak
asmadylar.
25 Munuň üçin Ol lowlaýan
gazabyny,

zalym urşy üstlerinden inderdi;
olary hemme tarapdan otlady,
emma olar şonda-da
düşünmediler,
olary ýakdy, ýöne üns bermediler.

**43-nji bap**

### *Ysraýylyň Halasgäri*

1 Emma indi, eý, Ýakup, seni
ýaradan,
eý, Ysraýyl, seni döreden
Reb şeýle diýýär:
«Gorkma, çünki Men seni azat
etdim,
adyňy tutup çagyrdym, sen
Meniňkisiň.
2 Seniň bilen bolaryn suwlardan
geçeniňde,
derýalardan geçeniňde, seni
gark etmez olar,
oduň içinden ýöräniňde
ýanmarsyň,
ýalyn ýakmaz seni.
3 Men seniň Hudaýyň Reb,
Ysraýylyň Mukaddesi, seniň
Halasgäriň.
Men saňa töleg hökmünde
Müsüri,
seniň ýeriňe Efiopiýany, Sebany
berdim.
4 Nazarymda eziz, gadyrly bolup,
seni söýýändigim üçin,
seniň öweziňe adamlar,
halklar bererin janyňyň deregine.
5 Gorkma, Men seniň bilendirin;
perzentleriňi gündogardan,
seni günbatardan getirerin.
6 Demirgazyga: „Olary ber“,
günorta: „Olary saklama“
diýerin;
ogullarymy uzakdan,
gyzlarymy ýeriň çetlerinden,
7 Maňa degişli bolan her kesi,
Öz şöhratym üçin ýaradanymy,
şekil berip döredenimi getir.

8 Gözli körleri,
gulakly kerleri öňe çykar.
9 Ähli milletler bir ýere ýygnansyn,
halklar toplansyn,
olaryň arasynda kim muny yglan
etdi?
Haýsysy bolup geçenleri öňden
bildirdi?
Güwälerini getirip, özlerini
aklasynlar,
başgalar eşidip: „Bu dogry“
diýsinler.
10 Siz Meniň şaýadymsyňyz,
muny Men – Reb aýdýandyryn.
Öz saýlan bendelerimsiňiz,
Siz Meni bilip, Maňa ynam ediň,
Meniň Şoldugyma düşüniň,
Menden öň hiç hudaý bolan
däldir,
Menden soň-da hijisi bolmaz.
11 Men, diňe Men Rebdirin,
Menden başga Halasgär ýokdur.
12 Men yglan etdim, halas etdim,
aýan etdim,
araňyzda başga hudaý ýok;
siz Meniň şaýatlarym.
Muny Men – Reb aýdýandyryn.
13 Owaldan bäri Men Olduryn.
Elimden halas edip biljek ýokdur.
Meniň edenimi ýatyryp biljek
barmy?»
14 Penakäriňiz, Ysraýylyň
Mukaddesi
Reb şeýle diýýär:
«Siziň hatyraňyza Babyla leşger
ýollap,
ähli babyllylary gaçgaklar
hökmünde
buýsanýan gämilerinde getirerin.

15 Siziň Mukaddesiňiz, Ysraýyly
Ýaradan,
Patyşaňyz Reb Mendirin».
16-17 Deňizden ýol,
çuň suwlardan ýoda açýar Reb,
söweş arabalary, atlary,
goşunlary söweşijileri bilen
çykarýar Ol;
olar ýykylyp, galyp bilmeýärler,
öçürilýärler, pelteler dek
söndürilýärler.
Bulary edýän Reb şeýle diýýär:
18 «Ýatlamaň öten zatlary,
köne zatlara üns bermäň.
19 Ine, Men bir täze zat edýärin,
ol häzir başlaýar,
görmeýärmisiňiz?
Men çölde ýol,
sährada derýalar emele
getirerin.
20 Ýabany haýwanlar,
şagallardyr düýeguşlar
Meni hormatlarlar.
Men Öz saýlan halkymy
gandyrmak üçin çölde suwlar,
sährada derýalar bilen üpjün
etdim.
21 Maňa alkyş aýtsynlar diýip,
Özüm üçin ýaratdym bu halky.
22 Emma sen, eý, Ýakup,
çagyrmadyň Meni,
eý, Ysraýyl, Menden irdiň sen!
23 Goýunlaryňyzy getirmediňiz
Maňa
ýakma gurbanlyk üçin,
gurbanlyklaryňyz bilen Meni
sylamadyňyz.
Sadakalary size agyr ýük
etmedim,
ýakymly ysly tütetgi bilen
irizmedim.
24 Hoşboý ysly gamyş satyn
almadyňyz Maňa,
gurbanlyklaryňyzyň ýagyndan
doýurmadyňyz,
günäleriňiz bilen Maňa ýük
bolduňyz gaýtam,
etmişleriňiz bilen Meni
irizdiňiz.
25 Öz hatyram üçin
ýazyklaryňyzy öçürýän
Mendirin,
Men günäleriňizi ýatlamaryn.
26 Maňa ýatlat!
Gel, bilelikde dawalaşalyň,
aklanar ýaly
delilleriňi aýt.
27 Ilkinji ataňyz günä etdi,
töwellaçylaryňyz garşyma
çykdylar.
28 Munuň üçin biabraý etdim
ybadathananyň ruhanylaryny,
Ýakuby doly weýrançylyga,
Ysraýyly ryswalyga höküm
etdim».

## 44-nji bap

### *Ysraýyllar Hudaýyň saýlan halkydyr*

1 «Emma indi, eý, bendäm Ýakup,
saýlan Ysraýylym, gulak goý!
2 Seni ýaradan, ýatgyda size şekil
beren
Men Reb gepleýärin.
Gorkma, eý, bendäm Ýakup,
ýagny saýlanym Ýeşurun!
3 Men suwsuz topraga suwlar
dökerin,
gury ýerlere çeşmeler
akdyraryn;
nesilleriňiň üstüne Ruhumy,
perzentleriňiň üstüne
berekedimi dökerin.
4 Olar gök ýaýladaky otlar kimin,
akar suwlar ýakasyndaky
söwütler kimin boý alarlar.

5 Biri: „Men Rebbiňki“ diýer,
beýlekisi öz adyna Ýakup dakar,
ýene biri: „Rebbiňki“ diýip ýazar
eline,
özüni Ysraýyl diýip atlandyrar».
6 Ysraýylyň Patyşasy we Penakäri
Reb,
Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Men ilkinji we ahyrkydyryn,
Menden başga hudaý ýokdur.
7 Maňa meňzeýän barmy? Ol aýan
etsin,
gadymy halky berkarar edelim
bäri
bolup geçenleri aýdyp bersin ol;
geljek zatlary yglan etsin,
indi boljak zatlary habar bersin.
8 Gorkmaň, eýmenmäň,
Saňa owaldan aýtmadymmy,
bildirmedimmi näme?
Siz Meniň şaýatlarym!
Hudaý barmy Menden başga?
Başga Gaýa ýokdur,
hiç birini bilmeýärin».

***Butparazlyga garşy pygamberlik***

9 But ýasaýanlaryň bary biderekdir,
olara ýaraýan zatlar
peýdasyzdyr,
olaryň şaýatlary ne görýär, ne-de
zat bilýär.
Utanja galdyrylar olar.
10 Derde ýarawsyz hudaýy,
ýa guýma buty kim ýasaýar?
11 Ine, onuň ähli ýoldaşlary
utandyrylar,
hünärmentleriň özleri
adamlardyr.
Ählisi ýygnanyşyp, ählisi bile
dursunlar;
dowla düşer olar, utanja galar.
12 Demirçi guralyny alyp,
onuň bilen közde işleýär;
ol buta çekiç bilen şekil berýär,
güýçli goly bilen onuň üstünde
işleýär.
Ol ajygyp, güýçden gaçýar;
suwsuzlykdan mejalsyz bolýar.
13 Agaç ussasy ýüp bilen ölçeýär,
galam bilen bellik edýär,
törpi bilen şekil berýär,
isgene bilen belleýär.
Buthanada goýmak üçin
buty adam şekilli ýasaýar,
ynsan gözelligine görä ýasaýar.
14 Ol kedr agaçlaryny kesýär,
serwi we dub agaçlaryny alýar.
Tokaýyň agaçlaryndan birini
saýlaýar,
dagdan agajyny oturdýar, ýagyş
ony ösdürýär.
15 Agaç ynsana odun bolýar,
ol getiren oduny bilen hem
ýylynýar,
oduny ýakyp, çörek bişirýär.
Şeýle hem özüne bir taňry
ýasap,
ybadat edýär oňa,
but ýasap, sežde edýär oňa.
16 Odunlaryň ýarysyny ýakyp,
oduň üstünde kebap bişirýär,
ondan iýip doýýar.
Ol ýylnyp, şeýle diýýär:
«Ine, ýylyndym,
alawyň howruny duýdum!»
17 Galanyndan bolsa bir taňry
ýasaýar,
özüne but ýasap, sežde edýär
oňa,
ybadat edýär, dileg edip, şeýle
diýýär:
«Meni halas et, meniň
taňrymsyň sen!»
18 Olar hiç zat bilmeýärler,
düşünmeýärler,
çünki görmesinler diýip gözleri,

düşünmesinler diýip ýürekleri
baglandy.
19 Hiç kim oýlanyp görmeýär,
«Odunyň ýarysyny ýakdym,
közüne çörek bişirdim,
etden kebap edip iýdim,
indi galanyndan ýigrenji zat
ýasaýynmy?
Bir bölek agaja sežde
edeýinmi?»
diýer ýaly akyl-paýhas ýok.
20 Küli hörek edinýärler
aldanan kalplary azaşdyrýar
olary,
janlaryny halas edip bilmeýärler,
«Sag elimdäki zat ýalan dälmi?»
diýip bilmeýärler.

### *Reb – Ýaradan we Halasgär*

21 «Bulary ýatla, eý, Ýakup,
eý, Ysraýyl, sen meniň
bendämsiň;
siz meniň bendämsiňiz, Men
ýaratdym sizi,
eý, Ysraýyl, Men seni
unutmaryn.
22 Ýazyklaryňyzy bulut kimin,
günäleriňizi duman kimin
aýraryn.
Maňa dolan, çünki Men sizi
yzyňyza aldym».
23 Aýdym aýdyň, eý, gökler,
çünki muny Reb etdi;
gygyryşyň, eý, ýeriň çuňluklary;
eý, daglar, jeňňel we ondaky
agaçlar
şatlykdan aýdym aýdyň,
çünki Ýakuby Reb azat etdi,
Ysraýylda Özüni şöhratlandyrdy.

24 Size ýatgyda şekil beren
Penakäriňiz
Reb şeýle diýýär:
«Ähli zady ýaradan,
gökleri ýeke Özi ýaýradan,
ýalňyz Özi ýeri ýazan,
25 galp pygamberleriň alamatlaryny
puja çykarýan,
palçylary akmak edýän,
akyldarlara zarba berip,
bilýänlerini samsyklyga
öwürýän,
26 bendesiniň sözüni tassyklaýan,
ilçileriniň aýdanlaryny amala
aşyrýan,
Iýerusalime: „Ilatly bolarsyň!“,
Ýahuda şäherlerine: „Bular
täzeden gurlar,
harabalaryňy dikelderin!“ diýýän,
27 çuňluga: „Gura,
derýalaryňy guradaryn“ diýýän,
28 Kureşe: „Meniň çopanymdyr,
bar maksatlarymy ol amala
aşyrar“,
Iýerusalime: „Täzeden gurlar“,
ybadathana: „Düýbüň tutular“»
diýýän Reb Mendirin.

## 45-nji bap

### *Reb Kureşi saýlaýar*

1 Reb seçip-saýlanyna,
sag elinden tutanyna, Kureşe
şeýle diýýär:
«Öňüňde milletleri baş egdirerin,
patyşalary güýjünden mahrum
ederin,
gapylary açaryn öňüňde,
derwezeler ýapylmaz.
2 Men öňüňden gidip,
daglary tekizlärin,
bürünç gapylary kül ederin,
demir kiltlerini döwerin.
3 Adyňy tutup çagyran Ysraýyl
Hudaýy
Meniň Rebdigimi bilmegiň üçin,

garaňkylygyň hazynalaryny,
gizlin ýerlerdäki baýlyklary
saňa bererin.
4 Sen meni tanamasaň-da,
bendäm Ýakubyň,
saýlanym Ysraýylyň hatyrasyna
adyňy tutup çagyryp,
hormat goýdum saňa.
5-6 Men Rebdirin, başgasy ýokdur,
Menden başga Hudaý ýokdur.
Meni tanamasaň-da,
saňa Men güýç bererin.
Gündogardan günbatara deňeç
Menden başganyň ýokdugyny
bilsinler diýip,
Men güýç bererin saňa.
7 Nury, garaňkylygy ýaradýan
Mendirin,
abadançylygy, betbagtçylygy
getirýän-de Mendirin;
bularyň hemmesini Men – Reb
edýändirin.
8 Eý, gökler, ýokardan ýagdyryň,
bulutlar dogrulyk ýagdyrsyn;
ýer açylyp, gutulyş miwesini
bersin,
onuň bilen birlikde dogrulyk
bitsin;
bulary Men – Reb ýaratdym».
9 Ýaradany bilen dawalaşýanyň dat
gününe!
Ýeriň küýze döwükleriniň
arasyndaky
bir küýze döwügi!
Toýun özüni şekil berýäne:
«Näme ýasaýarsyň?»
«Ýasan zadyň tutawajy ýok»
diýermi ýa?
10 Atasyna: «Näme üçin dünýä
inderdiň meni?»
Enesine: «Näme üçin dogurdyň
meni?»
diýýäniň dat gününe!
11 Ysraýylyň Mukaddesi,
ony ýaradan Reb şeýle diýýär:
«Ogullarymyň geljegi hakda
Meni sorag edýäňizmi?
Elimiň işi hakda buýruk
berýäňizmi Maňa?
12 Men ýeri döretdim,
onda ynsanlary ýaratdym;
ellerim gökleri gerdi,
asman jisimlerine buýruk
berdim.
13 Kureşi dogrulyk bilen oýardym,
bütin ýollaryny dogrularyn;
Meniň şäherimi ol diker,
ýesirlerimi tölegsiz, peşgeşsiz
azat eder ol».
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

14 Reb şeýle diýýär:
«Müsüriň baýlygy, Efiopiýa
söwdasy,
uzyn boýly sabalylar
saňa gelerler, seniňki bolar.
Gandally gullar ýanyňa gelip,
seniň yzyňa eýererler,
saňa tagzym edip ýalbararlar:
„Hudaý diňe seniň bilendir,
başgasy ýokdur;
Ondan başga hudaý ýokdur“».
15 Hakykatdan-da, Özüni gizleýän
Hudaý Sensiň,
eý, Ysraýyl Hudaýy, eý,
Halasgär!
16 Ähli but ýasaýanlar utandyrylar,
ryswa ediler;
ählisi bile ryswa bolar olaryň.
17 Emma Ysraýyly Reb halas etdi,
Ol baky halas edýär;
asyrlar boýy utanja galmarsyňyz,
ryswa edilmersiňiz.
18 Gökleri ýaradan,
Ol Hudaý,
dünýäni ýaradan, oňa şekil beren,

ony berkiden,
boş bolmasyn,
adamly bolsun diýen
Reb şeýle diýýär:
«Men Rebdirin, Menden başga
hiç kim ýokdur».
19 Men gizlinlikde,
tümlük mekanynda
geplemedim,
Ýakubyň nesline:
«Meni çola ýerden agtaryň»
diýmedim.
Men – Rebbiň sözleýäni
hakykatdyr,
dogrulykdyr beýan edýäni.

### *Butlar Babyly halas edip bilmeýär*

20 Eý, milletlerden gaçyp gutulanlar,
toplanyň, bir ýere toplanyň,
birek-birege ýakynlaşyň!
Agaç butlary göterip gezýänler,
halas edip bilmeýän hudaýdan
dileg edýänleriň bilýän zady
ýokdur.
21 Bildiriň, dawaňyzy aýdyň,
goý, hemmesi üýşüp
maslahatlaşsynlar!
Muny owaldan aýdan kim?
Geçmişde aýan eden kim?
Men – Reb dälmidir?
Menden başga hudaý ýokdur,
Men adyl Hudaý we
Halasgärdirin,
Menden başga hiç kim ýokdur.
22 Eý, ýeriň dört künjegindäkiler,
Maňa dolanyň-da, halas boluň!
Men Hudaýdyryn, Menden
başgasy ýokdur.
23 Öz barlygymdan ant içdim,
agzymdan çykan söz dogrudyr,
ol boş däldir:
«Her bir dyz öňümde epiler,
her bir dil Menden ant içer».
24 Olar: «Dogrulyk hem kuwwat
ýalňyz Rebdedir» diýerler.
Oňa gazap bildirenleriň ählisi
huzuryna gelip, utanarlar.
25 Ysraýylyň bütin nesli
Rebde aklanar, şöhratlanar.

## 46-njy bap

### *Rebbiň maksatlary*

1 Bel hudaýy dyza çökýär,
Nebo hudaýy egilýär,
heýkelleri öküzlere ýüklenýär;
daşaýan zatlaryňyz agyr ýük
deý,
ýadaw haýwanlara ýüklenilýär;
2 hudaýlar egilýärler, dyza
çökýärler,
heýkellerini halas edip bilmän,
özleri sürgün edilýärler.

3 Eý, Ýakubyň nesli,
Ysraýyl nesliniň aman
galanlary!
Göwrede galanyňyz bäri etdim
aladaňyzy,
doglanyňyz bäri elimde göterdim.
4 Garranyňyzda-da, Men Şolduryn,
saçyňyz agaranda hem sizi
götererin,
sizi Men ýaratdym, Özüm
götererin,
Men göterip, sizi halas ederin.
5 Meni kime meňzedýärsiňiz?
Kim bilen deňeşdirýärsiňiz?
Kime deňeýärsiňiz, Maňa
meňzeýän barmy?
6 Altyny torbadan guýýanlar,
kümşi terezide çekýänler
bir zergäri hakyna tutýarlar,
ol-da olardan bir hudaý ýasaýar;
olar ýere ýüzin düşüp, oňa
sežde edýärler.

7 Ony gerişlerine alyp göterýärler,
ýerinde goýýarlar, ol şol ýerde
durýar,
ýerinden gozganyp bilmeýär.
Jogap bermeýär oňa perýat
edenlerinde,
hiç bir beladan gutarmaýar.

8 Eý, günäkärler, unutmaň muny,
mert boluň, çykarmaň ýatdan.
9 Gadymda bolan-geçen zatlary
ýatlaň,
Men Hudaýdyryn, Menden
başga Hudaý ýokdur,
Men Hudaýdyryn, Maňa
meňzeýän ýokdur.
10 Owaldan ahyra boljagy,
heniz bolmadyklary aýan edýärin.
Men: «Berjaý bolar maksatlarym,
bar isleglerimi amal ederin»
diýýärin.
11 Gündogardan bir ýyrtyjy guşy,
maksadymy berjaý etjek birini
uzak ýurtdan çagyrdym.
Bulary aýdan Mendirin,
ýerine-de ýetirerin;
Men niýet etdim, amala
aşyraryn ony.
12 Eý, gutulyşdan uzak bolan
dikdüşdiler,
gulak goýuň Maňa!
13 Men halas etmek üçin ýakyn
gelýärin,
uzakda däldirin,
uzak eglemerin halas edişimi,
Siony halas ederin,
Ysraýyla şöhratymy bererin.

## 47-nji bap

### *Babyl şäheriniň synmagy*

1 «Eý, boýy ýeten Babyl gyzy,
aşak düş-de, toza çök!
Eý, kesetler gyzy,
ýerde otur, tagtyň ýokdur!
Näzik, mylaýym,
diýilmez indi saňa.
2 Degirmen daşlaryny al-da, un
üwe,
aýyr ýapynjaňy, lybasyňy çykar,
derýalardan geç, baldyrlaryňy
ýalaňaçla-da.
3 Ýalaňaçlygyň aýan bolar,
aýbyň açylar.
Öç alaryn Men,
hiç kimi aýamaryn».
4 Penakärimiz Ysraýylyň
Mukaddesidir,
Hökmürowan Rebdir ady.

5 «Eý, Babyl gyzy,
ümsüm otur, tümlüge git!
Saňa „patyşalyklaryň
melikesi“ diýilmez indi.
6 Halkyma gaharlandym,
mirasymy harlap,
seniň eliňe berdim;
sen olara rehim etmediň;
hatda gojalara-da
agyr boýuntyryk atdyň.
7 Sen: „Men ebedi melike bolaryn“
diýdiň,
bulara üns bermediň,
näme boljagyny oýlanmadyň».

8 Eý, eşreti söýýän,
howpsuzlykda ýaşap, içinden:
«Diňe men, menden başga ýok,
dul oturmaryn,
perzent ýitgisini görmerin»
diýýän
sen muňa gulak goý indi!
9 Bularyň ikisi-de bir günde,
duýdansyz başyňa geler:
perzentleriňden aýrylarsyň, dul
galarsyň.

Gözbagçylar köpem bolsa,
jadygöýleriň bolam bolsa,
bularyň bary başyňa geler.
10 Öz pisligiňe bil bagladyň;
sen: «Meni hiç kim görmeýär»
diýdiň.
Paýhasyň we bilimiň seni
azaşdyrdy,
içiňden: «Diňe men,
menden başga ýok» diýdiň.
11 Munuň üçin başyňa bela geler,
jadygöýlik bilen halas edip
bilmersiň;
başyňa betbagtçylyk iner,
öňüni alyp bilmersiň sen onuň;
duýdansyz üstüňe geler
oslamaýan weýrançylygyň.

12 Ýaşlygyňdan bäri ugrunda jan
çeken
jadygöýleriňdir gözbagçylaryň
bilen gal,
belki, olardan peýda görersiň,
belki, olar bilen gorkuzarsyň!
13 Maslahatçylaryň köplüginden
ýaňa ýadadyň.
Goý, müneçjimler, her aý üçin
täleýnama düzýänler,
ör tursunlar-da,
başyňa geljek zatlardan seni
gutarsynlar indi.

14 Ine, olar sypal kimindirler,
ot olary ýandyrýar;
janlaryny ýalnyň güýjünden
halas edip bilmeýärler.
Bu ot ne çoýunara köz,
ne-de alaw bolar başynda
oturara.
15 Ine, bile zähmet çekişenler,
ýaşlygyňdan seniň bilen
iş salşanlar nähili bolup
çykýarlar;
öz ýoluna rowanadyr olaryň
hersi,
halas eden bolmaz seni.

## 48-nji bap

### *Reb Ýaradyjy hem Penakärdir*

1 Eý, Ýakubyň nesli, gulak goý!
Ysraýylyň ady bilen atlandyrylan,
Ýahudanyň bilinden önen, siz,
Rebden ant içýärsiňiz,
ýatlaýarsyňyz Ysraýyl Hudaýyny,
emma çyn ýürekden,
dogrulyk bilen etmeýärsiňiz
bulary.
2 Özlerini mukaddes şäherden diýip,
Ysraýyl Hudaýyna daýanýarlar
olar;
Onuň ady Hökmürowan Rebdir.

3 «Geçmişdäkileri owaldan Men
beýan etdim,
Meniň agzymdan çykdy, Men
olary bildirdim;
duýdansyz şeýle etdim, olar
berjaý boldy.
4 Siziň kesirdigiňizi Men
bilýändirin.
Ýeňse damaryňyz demirdendir,
maňlaýyňyz misdendir.
5 Bulary size owaldan beýan etdim.
„Bulary eden meniň butum,
oýma, guýma heýkellerim
bulary buýruk berdi“
diýmeziňiz ýaly,
berjaý bolmankalar, olary size
aýan etdim.

6 Indi eşidenleriňiziň ählisini görüň;
olary yglan etjek dälmisiňiz?
Indiden beýläk size täze zatlary,
siziň bilmeýän, gizlin
zatlaryňyzy aýdaryn.

[7] Bular ýaňy ýaradyldy, geçmişde
däl,
şu güne deňeç bilmediňiz
bulary,
„Bulary eýýäm bilýärdik“
diýerdiňiz ýogsa.
[8] Ne eşitdiňiz siz, ne-de bildiňiz,
owaldan gulagyňyz açylmandy.
Men siziň dönüklik etjekdigiňizi
bildim,
doglanyňyzdan bäri size
topalaňçy diýildi.
[9] Öz adymyň hatyrasyna gaharymy
ýatyrýaryn,
gaharymy saklaýaryn Öz
hormatymyň hatyrasyna,
ýok ederdim sizi ýogsam.
[10] Ine, seni sapladym, ýöne kümüş
dek däl,
azap küresinde synadym seni.
[11] Öz hatyrama, Öz mertebäme
muny edýärin,
näme üçin Meniň adym
harlansyn?
Başga bermerin Öz şöhratymy.

***Babyldan çykyň!***

[12] Eý, Ýakup,
eý, çagyranym Ysraýyl,
Meni diňle!
Men Şolduryn, Ilkinji-de,
Ahyrky-da Mendirin.
[13] Ýeriň binýadyny goýan Meniň
elimdir,
Meniň sag elimdir gökleri
ýaýradan;
bary birlikde öňümde durýarlar,
olary çagyranymda».

[14] Hemmäňiz toplanyň, diňläň!
Butlaryň haýsysy bulary öňden
aýan etdi?
Reb birini saýlap-seçer,
ol Rebbiň Babyla garşy
maksadyny amala aşyrar,
onuň goly babyllylara garşy bolar.
[15] «Men, hawa, Men gepledim,
ony Men çagyrdym, Men
getirdim,
ol öz ýolunda üstünlik gazanar.
[16] Maňa ýakynlaşyň-da, muny
eşidiň!
Owaldan ýaşyryn geplän
däldirin Men,
şondan bäri Men şol ýerde».

Indi Hökmürowan Reb meni we
Ruhuny iberdi.
[17] Penakäriňiz, Ysraýylyň
Mukaddesi
Reb şeýle diýýär:
«Peýdaly zady öwredýän size,
ýöremeli ýoluňyzdan äkidýän
Hudaýyňyz Reb Mendirin.
[18] Tabşyryklaryma gulak asan
bolsadyňyz,
şonda abadanlygyňyz derýa deý,
dogrulygyňyz deňiz tolkunlary
deý bolardy.
[19] Perzentleriňiz çäge deý,
nesilleriňiz çäge ownuklary deý
bolardy;
atlary huzurymdan aýrylmaz,
ýok edilmez».
[20] Babyldan çykyň, kesetlerden
gaçyň,
muny şatlykly owaz bilen aýan
ediň, jar ediň,
aňry çetine ýetsin zeminiň;
«Reb bendesi Ýakuby azat etdi!»
diýiň.
[21] Çölleriň içi bilen äkidilende-de,
suwsamandy olar,
olar üçin gaýadan suw akdyrdy;
Ol gaýany ýardy, suw çogup
çykdy ondan.

22 Reb: «Pislere rahatlyk ýokdur»
diýýär.

## 49-njy bap

### *Rebbiň bendesi*

1 Eý, adalar, meni diňläň!
Eý, uzakdaky halklar, gulak
asyň!
Ýatgydakam Reb meni çagyrdy,
enemiň göwresindekäm adymy
tutdy.
2 Dilimi kesgir gylyç kimin etdi,
meni eliniň kölegesinde gizledi;
ýiti ok edip,
Öz sagdagynda ýaşyrdy meni.
3 Ol maňa: «Sen Meniň bendämsiň,
eý, Ysraýyl, Men sende
şöhratlanaryn» diýdi.
4 Onsoň men: «Biderek zähmet
çekdim,
biderek, bihuda sarp etdim
güýjümi;
ýöne hakym Reb bilendir,
sylagym Hudaýym bilendir».
5 Ýakup neslini Özüne
gaýtarmagym üçin,
Ysraýyly Onuň öňüne
toplamagym üçin,
ýatgydakam maňa şekil berip,
bendesine öwürdi Reb meni.
Men Rebbiň nazarynda hormat
gazandym,
Hudaýym meniň güýç-
-gudratym boldy.
6 Ol: «Ýakubyň tirelerini täzeden
dikeltmek üçin,
ysraýylyň goralyp
saklananlaryny yzyna
getirmek üçin
bendäm bolmagyň ýeterlik däldir,
seni milletlere nur ederin,
seniň üstüň bilen
ýeriň aňry çägine çenli halas
ederin» diýýär.
7 Ynsanyň kemsidýänine,
halkyň ýigrenýänine,
hökümdarlaryň guluna
Ysraýylyň Penakäri,
onuň Mukaddesi Reb şeýle
diýýär:
«Patyşalar seni görüp, aýaga
galarlar,
hökümdarlar iki bükülip tagzym
ederler,
Ysraýylyň Mukaddesi, seni
saýlan
Reb sadykdyr».

### *Reb halkyny yzyna getirer*

8 Reb şeýle diýýär:
«Merhemet görkezjek
döwrümde saňa jogap bererin,
kömek ederin halas etjek
günümde;
seni goraryn,
halka äht hökmünde bererin seni
sen ýurdy täzeden dikeldersiň,
çolaryp galan mülki paýlarsyň.
9 Ýesirlere: „Çykyň“,
garaňkydakylara: „Görnüň“
diýersiň.
Olar ýol boýlarynda otlarlar,
takyr depelerde öri taparlar.
10 Ajykmazlar, suwsamazlar,
jöwza hem Gün olary ýakmaz,
çünki olara rehim edeniň Özi ýol
görkezer,
olary suw çeşmelerine getirer.
11 Ähli daglarymy ýola öwrerin,
şaýollarym belende galdyrylar.
12 Ine, olar uzaklardan,
käsi demirgazykdan, käsi
günbatardan,
hatda Sinim ýurdundan gelerler.
13 Şatlykdan gygyryň, eý, gökler!

Eý, zemin, begen!
Aýdyma gygyryşyň, eý, daglar!
Reb Öz halkyna teselli berdi,
ejir çekýänlere rehim eder.
14 Emma Sion: „Reb terk etdi meni,
Taňrym meni unutdy“ diýdi.
15 Emdirýän ene balasyny unudyp bilermi?
Özünden önen çaga rehim etmezmi?
Hatda ene öz balasyny unutsa-da,
Men seni unutmaryn.
16 Ine, Men adyňy ellerimiň aýasyna ýazdym,
diwarlaryň göz öňümdedir elmydam.
17 Ogullaryň howlugyşyp gelerler,
seni weýran edenler çykyp giderler.
18 Gözleriňi daş-töwerege aýla-da, seret,
olaryň hemmesi toplanyp, ýanyňa gelýärler.
Barlygymdan ant içýärin,
olaryň bary seniň üçin bezeg bolar,
gelin dek olary dakynarsyň.
Muny Men – Reb aýdýandyryn.
19 Ýeriň weýran edilip, çolaran bolsa-da,
haraba dönen bolsa-da ýurduň,
indi ýurt halkyňa darlyk eder,
seni ýuwudyp-ýalmanlar senden uzaklaşarlar.
20 Agyr ýitgi astynda doglan çagalaryň
ýene saňa şeýle diýerler:
„Bu ýer bize darlyk edýär,
mesgen tutara bize ýer ber“.
21 Şonda sen içiňden diýersiň:
„Bulary maňa kim dogrup berdi?
Çagasyzdym, önelgesizdim,
sürgün edilip kowlupdym;
eýsem bulary kim ulaltdy?
Ýeke-ýalňyz galypdym,
bular nireden gelip çykdylar?“».

22 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ine, milletlere elim bilen yşarat ederin,
halklara baýdagymy galdyraryn;
olar ogullaryňy gujaklarynda getirerler,
gyzlaryňy gerişlerinde göterer ler.
23 Patyşalar saňa atalyk,
şa aýallary saňa enelik ederler.
Olar saňa tagzym edip,
aýak tozuňyzy ýalarlar.
Şonda sen Meniň Rebdigimi bilersiň.
Maňa umyt baglaýanlar utanja galmaz».

24 Güýçliniň elinden oljasyny alyp bolarmy?
Zalymyň[a] ýesir alanlaryny azat edip bolarmy?
25 Emma Reb şeýle diýýär:
«Hawa, güýçliniň ýesirleri yzyna alnar,
zalymyň oljasy elinden azat ediler;
Men saňa garşy durana garşy durup,
çagalaryňy halas ederin.
26 Saňa sütem edýänleriň özlerini özüne iýdirerin,
täze şerap içen deý öz ganlaryndan serhoş bolarlar.
Onsoň ähli ynsanlar Meniň Rebdigimi,
seniň Halasgäriňdigimi,
Penakäriňdigimi,

[a] **49:24** ***Zalymyň*** – käbir golýazmalarda *dogruçylyň.*

Ýakubyň Gudratly
Hudaýydygymy bilerler».

### 50-nji bap

1 Reb şeýle diýýär:
«Ejeňiz talak zerarly gitdimi?
Eýsem bergidar bolup satdymmy sizi?
Ine, siz öz etmişleriňiz sebäpli satyldyňyz,
siziň ýazyklaryňyz zerarly ejeňiz kowuldy.
2 Näme üçin gelenimde, hiç kim ýokdy?
Näme üçin çagyranymda, hiç kim jogap bermedi?
Sizi azat etmäge gysgamy golum?
Ýa sizi halas etmäge Mende güýç ýokmy?
Öz käýinjim bilen deňzi guradýaryn,
derýalary çöle öwürýärin;
balyklar suwsuzlykdan porsaýarlar,
teşnelikden ölýärler.
3 Göklere gara geýdirýärin,
july olaryň örtgüsi edýärin».

### *Rebbiň gulunyň ejiri*

4 Mejalsyzlara söz bilen ýardam ederim ýaly
Hökmürowan Reb maňa dana dil berdi.
Ol dana adamlar deý diňlesin diýip,
gulagymy oýarýar her säher.
5 Hökmürowan Reb gulagymy açdy,
men garşy çykmadym,
yza çekilmedim.
6 Özümi urýanlara arkamy,
sakgalymy ütýänlere ýaňagymy tutdum;
masgaralanmakdan,
tüýkürmeden ýüzümi gizlemedim.
7 Hökmürowan Rebbiň maňa ýardam berendigi üçin,
men utanja galmadym,
ýüzümi çakmakdaşy deý etdim,
men utandyrylmajagymy bilýärin.
8 Meni aklajak ýakynymdadyr,
meniň bilen dawalaşjak kim?
Geliň, ýüzleşeliň.
Günäkärleýjim kim meniň?
Goý, ýanyma gelsin!
9 Maňa ýardam edýän Hökmürowan Rebdir.
Kim meni günäli çykarjak?
Olaryň ählisi geýim deý köneler,
olara güýe deger.

10 Siziň araňyzda Rebden gorkup,
Onuň gulunyň sözüne gulak asýan barmy?
Garaňkylykda gezýän, yşygy bolmadyk,
Rebbiň adyna bil baglap,
Hudaýyna daýansyn.
11 Emma ot ýakyp,
alawly oklar guşanan siziň hemmäňiz
öz oduňyzyň yşygynda,
ýakan alawly oklaryňyzyň arasynda geziň!
Meniň elimden başyňyza geljek şudur:
siz azap içinde ýatarsyňyz.

### 51-nji bap

### *Geljege umyt*

1 Reb şeýle diýýär:
«Eý, dogrulygy yzarlaýanlar,
eý, Rebbi agtarýanlar,
Maňa gulak goýuň!

Kesilip alnan gaýaňyza,
gazylyp çykarylan çukuryňyza
seredìň.
2 Atаňyz Ybraýyma,
özüňizi dogran Sara nazar aýlaň;
Ybraýymy çagyranymda, ol
ýekedi,
emma Men ony ýalkadym,
köpeltdim».
3 Reb Siona,
onuň ähli harabalaryna teselli
berer,
onuň çölüni Erem deý eder,
Rebbiň bagy deý eder onuň
sährasyny;
şatlyk we begenç,
şükür we aýdym sesi eşidiler
ondan.

4 «Meni diňle, eý, halkym,
Maňa gulak goý, eý, milletim!
Menden bir kanun çykar;
adalatym halklara nur bolar.
5 Azat etmek üçin tiz çykaryn,
Men halas etmäge ýola düşdüm,
gollarym halklara höküm eder,
adalar Maňa intizardyrlar,
gudratyma umyt baglaýarlar.
6 Gözleriňizi göklere dikiň,
aşaga, ýere serediň;
gökler tüsse kimin ýitip gider,
ýer ýüzi eşik kimin tozar;
onda ýaşaýanlar hem çybyn dek
ölerler,
emma Men ynsanlary baky
halas ederin,
olary azat ederin.
7 Eý, dogrulygy bilýänler,
kanunymy ýüreginde
saklaýanlar,
Meni diňläň!
Ynsanlaryň ýazgarmalaryndan
gorkmaň,
olaryň sögünçlerinden heder
etmäň.
8 Güýe olary eşik kimin iýer,
olary ýüň kimin iýer güýe;
Men bolsa sizi elmydama azat
ederin,
asyrlar boýy sizi halas ederin».
9 Oýan, eý, Rebbiň goly, oýan,
gudraty geýin!
Gadym günlerdäki dek,
owalky nesillerdäki dek oýan!
Rahab aždarhany parçalan,
parran deşen Sen dälmidiň?
10 Deňzi, uly çuňlugyň
suwlaryny guradan,
azat edilenler geçsin diýip,
deňziň çuň ýerlerini
ýola öwren Sen dälmidiň?
11 Rebbiň azat edenleri dolanarlar,
aýdym aýdyp, Siona gelerler,
başlarynda ebedi şatlyk bolar,
begenç hem şatlyk taparlar olar,
gam-gussa hem nala ýok bolar.

12 «Size göwünlik berýän Mendirin,
näme üçin ölümli ynsandan,
ot kimin solýan
adam oglundan gorkýarsyňyz?
13 Sizi ýaradan, gökleri ýaýradan,
ýeriň düýbüni tutan
Rebbi unutdyňyz.
Sizi ýok etmek niýetinde bolan
zulumkäriň gazabyndan uzakly
gün gorkýarsyňyz.
Hany, zulumkäriň gazaby
nirede?
14 Ýesirler basym azat ediler,
ölmez, gabra inmez olar,
çörekleri kemlik etmez.
15 Tolkunlary uwlasyn diýip, deňzi
çaýkaýan
Hudaýyňyz Reb Mendirin».
Onuň ady Hökmürowan Rebdir.

16 «Sözlerimi agzyňa saldym,
seni elimiň kölegesinde
gizledim;
gökleri berkarar etdim,
ýeriň düýbüni tutdum,
Siona: „Sen Meniň halkymsyň“
diýdim».

### *Rebbiň gazap käsesi*

17 Oýan, eý, Iýerusalim oýan, aýaga
gal!
Rebbiň gazap käsesini Onuň
elinden içdiň,
serhoşlyk käsesini
başyňa çekdiň.
18 Öz dogran ähli ogullarynyň
içinde
Iýerusalime ýol görkezýäni ýok;
ekläp-saklan ähli ogullarynyň
arasynda
elinden tutup, oňa goldaw
berýäni ýok.
19 Başyňa bu iki bela:
harabaçylyk we weýrançylyk,
açlyk we gylyç geldi.
Kim saňa duýgudaşlyk bildirer?
Saňa nädip göwünlik bereýin?
20 Ogullaryň tapdan düşüp,
her köçäniň başynda ýatyrlar,
tora düşen dag keýigi ýaly bolup;
Rebbiň gazabyndan,
Hudaýyň käýinjinden pürepür
olar.
21 Munuň üçin, eý, azap çeken,
çakyrsyz serhoş bolan halk,
muny eşit!
22 Taňry Rebbiňiz,
Öz halkyny goraýan Hudaýyňyz
şeýle diýýär:
«Ine, Men serhoş edýän käsäni
eliňden aldym,
Meniň gazap käsämden
mundan beýläk içmersiň.
23 Bu käsäni sütemkärleriňiň eline
bererin,
Olar saňa:
„Üstüňden geçerimiz ýaly, ýerde
ýüzin ýat“ diýdi.
Senem olar geçer ýaly
ýer kimin, ýol kimin etdiň
arkaňy».

## 52-nji bap

### *Sionyň şatlygy*

1 Oýan, eý, Sion, oýan! Gudratyňa
beslen!
Eý, Iýerusalim, mukaddes şäher,
gözel lybasa gir!
Sünnetsizler, haram adamlar
içeri girmezler asla.
2 Üstüňdäki tozany kak-da,
gal, eý, Iýerusalim, tagtda otur.
Boýnuňdaky zynjyry üz,
eý, Sion, ýesir gyz!
3 Reb şeýle diýýär:
«Siz mugt satyldyňyz,
yzyňyza pul tölenmän
alnarsyňyz».
4 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Halkym mesgen tutjak bolup,
owal Müsüre gidipdi;
soňra aşurlar olara nähak sütem
etdiler».
5 Reb: «Indi bu ýerde nämäm bar?»
diýýär.
«Halkym biderek ýere äkidildi,
hökümdarlary perýat edýärler.
Adym uzakly gün harlanýar».
Muny Reb aýdýandyr.
6 «Munuň üçin halkym Meniň
adymy biler;
şonuň üçin gepleýäniň
Mendigimi
şol gün bilerler. Ine, bu
Mendirin».

7 Dagdan aşyp,
parahatlygy yglan edýän
habarçynyň gelşi ne gözeldir!
Ol: «Reb Halasgärdir» diýip jar
edip,
Siona: «Hudaýyň höküm sürýär»
diýip,
hoş habar getirýär.
8 Diňläň! Garawullaryň seslerini
gataldýar,
şatlanyp, bile aýdym aýdýarlar;
Rebbiň Siona gaýdyp gelşini
öz gözleri bilen görerler olar.
9 Eý, Iýerusalimiň harabalary,
şatlyk bilen aýdyma gygyryň!
Reb Öz halkyna teselli berdi,
Iýerusalimi azat etdi.
10 Ähli milletleriň gözleriniň
alnynda
Reb mukaddes bilegini çermedi;
ýeriň aňry ujy
Hudaýymyzyň halas
edýändigini görer.
11 Baryň, gidiň, ol ýerden çykyň!
Haram zatlara el degirmäň;
ol ýerden çykyp, tämizleniň,
eý, Rebbiň gap-gaçlaryny
göterýänler!
12 Emma siz gyssagly çykmarsyňyz,
gaçyp gitmersiňiz;
çünki Reb siziň öňüňizden gider,
Ysraýyl Hudaýy yzyňyzda
gorag bolar.

### *Rebbiň gulunyň ejir çekmesi we beýgeldilişi*

13 Ine, gulum rowaçlanar,
ol beýgeldiler, ýokary
galdyrylar,
gaty belende çykarylar.
14 Köpler oňa haýran galdy.
Onuň keşbi ähli ynsanyňkydan
betnyşandy,
syraty ynsan oglunyňka
meňzemeýärdi.
15 Ol köp milletleri geň galdyrar;
patyşalar onuň ýanynda agzyny
ýumarlar;
çünki olar öň aýdylmadyk zady
görüp,
eşitmedik zatlaryna düşünerler.

## 53-nji bap

1 Biziň habarymyza kim ynandy?
Rebbiň güýç-gudraty kime aýan
boldy?
2 Ol Rebbiň öňünde näzik maýsa
dek,
gury ýerdäki kök deý ösdi;
biziň oňa serederimiz ýaly,
onda ne şekil, ne syrat bardy,
arzuwlarymyz ýaly keşp ýokdy.
3 Ol äsgerilmedi, ynsanlar ony ret
etdi,
ol derdi, hassalygy bilýän
adamdy;
adamlar ondan ýüzlerini
öwürdiler,
ol äsgerilmedi,
hiç zatça-da görmedik ony biz.
4 Ol biziň hassalygymyzy öz
üstüne ýükledi,
biziň dertlerimizi çekdi;
biz bolsa ol Hudaý tarapyndan
jezalandyrylyp,
urlup ejir çekendir diýip pikir
etdik.
5 Emma ol biziň ýazyklarymyz
üçin ýaralandy,
biziň etmişlerimiz üçin ezýet
çekdi,
rahatlygymyz üçin jeza onuň
başyna geldi,
onuň ýaralary arkaly biz şypa
tapdyk.
6 Ählimiz edil goýun ýaly azaşdyk;

öz ýolumyz bilen gitdik herimiz,
Reb ählimiziň etmişimizi oňa ýükledi.
7 Oňa sütem edildi, ol ejir çekdi,
emma şonda-da agzyny açmady.
Soýulmaga äkidilip barýan guzy dek,
gyrkymçynyň öňündäki sessiz goýun dek,
hiç agzyny açmady ol.
8 Ol sütem, adalatsyzlyk bilen äkidildi.
Onuň nesli hakda kim aýdyp biljek?
Ol diriler diýaryndan mahrum edildi,
halkymyň ýazygy üçin zarba oňa degdi.
9 Onuň gabry pisler bilen boldy.
Ol baý adamyň ýanynda jaýlandy,
ol hiç hili sütem etmändi,
agzyndan ýalan sözler çykmandy.
10 Emma onuň ezilmesi,
dert çekmesi Rebbiň islegidi.
Onuň jany günä gurbanlygy edilse,
ol neslini görer, onuň ömri uzar;
Rebbiň islegi ol arkaly rowaçlanar.
11 Janynyň çeken jebir-jepalarynyň
hözirini görüp, ol kanagatlanar.
Öz bilşine görä,
Meniň dogry gulum köpleri aklar,
öz üstüne alar olaryň etmişini.
12 Şonuň üçin Men oňa
beýik adamlaryň arasyndan paý bererin;
oljany güýçlüler bilen paýlaşar ol,
janyny gurban etdi ol,
ýazyklylar bilen bir saýyldy;
ol köpleriň günäsini öz üstüne aldy,
olaryň ýazyklarynyň geçilmegini diledi.

## 54-nji bap

### *Rebbiň ähti*

1 Reb: «Şatlan, eý, çaga dogmadyk, önelgesiz,
burguda bolmadyk,
begençden aýdym aýt!
Çünki öň terk edilen aýalyň ogullary
ärli aýalyň ogullaryndan köp bolar» diýýär.
2 Çadyryňyň ýerini giňelt,
mesgeniňiň perdelerini ger, gaýgyrma;
tanaplaryňy uzalt,
gazyklaryňy berkit.
3 Sen saga-sola ýaýylarsyň,
nesilleriň milletleri eýeläp,
çola şäherlerde ornaşarlar.
4 Gorkma, utanja galmarsyň sen;
ruhdan düşme, ryswa bolmarsyň sen;
ýaşlygyňdaky utanjyňy unudarsyň,
dulluk ryswaňy ýatlamarsyň mundan beýläk.
5 Ýaradyjyň seniň äriňdir,
Onuň ady Hökmürowan Rebdir;
Ysraýylyň Mukaddesi Penakäriňdir,
Oňa bütin dünýäniň Hudaýy diýilýär.
6 Reb seni terk edilen,
kalby gussaly aýal dek,
ret edilen ýaş gelin dek çagyrdy.
Muny Hudaý diýýär.
7 «Men seni bir salym terk etdim,
ýöne beýik rehim bilen seni ýygnaryn.
8 Gazap odunda

senden bir salym ýüzümi
gizledim,
emma saňa rehim ederin sadyk
söýgi bilen».
Muny Penakäriňiz Reb diýýär.
9 Bu Meniň üçin Nuhuň döwri
kimindir,
Nuhuň tupany ýer ýüzünde
indi gaýtalanmaz diýip ant içişim
ýaly,
saňa-da gaharlanmaryn indi,
hiç haçan käýemerin diýip ant
içdim.
10 Daglar ýerinden gozgansa-da,
depeler sarssa-da,
sadyk söýgim senden aýrylmaz,
sarsmaz parahatçylyk ähtim.
Saňa rehim eden Reb diýýär
muny.

11 «Eý, harasada düşüp, teselli
tapmadyk
muşakgatly şäher!
Daşlaryňy gymmatbaha
daşlardan goýup,
gök ýakutlar bilen düýbüňi
tutaryn.
12 Küňreleriňi lagyldan,
derwezeleriňi jöwherden,
gymmatbaha daşlardan ederin
diwarlaryňy.
13 Ähli çagalaryň Rebden taglym
alarlar,
çagalaryňyň abadançylygy
beýik bolar.
14 Dogrulykda berkarar edilersiň,
sütemden uzakda bolarsyň,
gorkmarsyň;
howp-hatardan daş bolarsyň,
golaýlaşmaz saňa.
15 Saňa hüjüm etse biri,
Menden däldir;
kim saňa hüjüm etse,
saňa boýun eger.
16 Ine, kömür közüni üfleýän,
öz maksady üçin ýarag ýasaýan
demirçini
Men ýaratdym.
Ýok etsin diýip,
heläk edijini ýaradan-da
Mendirin.
17 Seniň garşyňa ýasalan ýarag
derde ýaramaz,
hökümde garşyňa çykýan her
dili aýyplarsyň.
Rebbiň bendeleriniň mirasy şudur,
Men olary aklaryn».
Muny Reb aýdýandyr.

## 55-nji bap

### *Bol ýaşaýşa çagyryş*

1 Eý, teşneler, suwa geliň!
Eý, pulsuzlar, geliň, galla satyn
alyň, iýiň!
Geliň, şeraby, süýdi pulsuz
alyň!
2 Näme üçin puluňy çörek bolmajak
zada,
zähmetiňi doýurmajak zada
sarp edýäň?
Meni ünsli diňläň, ýagşy zady
iýiň,
janyňyz näz-nygmatlardan
lezzet alar.
3 Gulak asyň, Maňa geliň,
diňläň, ýaşarsyňyz,
siz bilen baky äht edişerin,
Dawuda wada beren
sadyk söýgimi bererin.
4 Ine, Men ony halklara şaýat,
baştutan hem baş serkerde etdim.
5 Ine, siz tanamaýan milletleriňizi
çagyrýarsyňyz,
sizi tanamadyk milletler-de,
size gelerler.

Bu Ysraýylyň Mukaddesi,
Hudaýyňyz Reb sebäplidir,
Ol sizi şöhratlandyrdy.

6 Rebbi tapylýarka, agtaryň,
ýakyndaka, çagyryň.
7 Pisler öz ýollaryndan,
erbetler öz pikirlerinden dänip,
Rebbe dolanyp barsynlar,
Reb olara rehim eder;
Hudaýymyza dolansynlar,
Ol gaty geçirimlidir.
8 «Meniň pikirlerim siziň
pikirleriňiz däl,
siziň ýollaryňyz Meniň
ýollarym däl».
Muny Reb aýdýandyr.
9 «Gökler ýerden nähili beýiklikde
bolsa,
Meniň ýollarym-da siziň
ýollaryňyzdan,
Meniň pikirlerim-de siziň
pikirleriňizden beýikdir.
10 Ýagşyň, garyň göklerden inip,
ýeri suwaryp, ony önümli,
hasylly edip, ekene tohum,
çörek iýýäne çörek berýänçä,
yzyna dolanmaýşy dek,
11 Meniň agzymdan çykýan sözüm-
-de şeýle bolar;
Ol Maňa boş gaýdyp gelmez,
maksadymy ýerine ýetirer,
etsin diýip iberen işimde
üstünlikli bolar» Reb diýýär.
12 Siz şatlyk bilen çykarsyňyz,
parahatlyk bilen getirilersiňiz,
daglardyr depeler öňüňizde
aýdyma gygyryşarlar,
bütin meýdanyň agaçlary-da el
çarpyşarlar.
13 Tikenekli gyrymsy agajyň ýerine
serwi,
çitçiti ýerine nar biter;
bu Rebbe şöhrat getirer,
ölmez-ýitmez ebedi alamat
bolar.

## 56-njy bap

### *Rebbiň ähli milletler bilen eden ähti*

1 Reb şeýle diýýär:
«Adalaty saklaň, dogry işleri ediň,
ine, Men tizara azat etmäge
gelerin,
halas edişimi aýan ederin.
2 Muny edýän ynsan,
ony berk saklaýan nähili bagtly!
Ol Sabat gününi amal edip, ony
harlamaýar,
elini her hili ýaman işden
saklaýar».

3 Goý, Rebbe bil baglaýan keseki:
«Reb meni Öz halkyndan aýrar»
diýmesin,
Agta: «Ine, men bir gury
agaçdyryn» diýmesin.
4 Reb şeýle diýýär:
«Sabat günlerimi amal edýän,
Maňa ýaraýan zatlary saýlaýan,
ähtimi berk saklaýan agtalara
5 öýümde, diwarlarymyň içinde
ogul-gyzlaryňkydan-da zyýada
hatyra hem at bererin;
olara ölmez-ýitmez ebedi at
bererin.
6 Rebbe hyzmat etmek üçin,
Rebbiň adyny söýmek üçin,
Onuň bendesi bolmak üçin
Rebbe bil baglaýan kesekileri,
Sabat kanunymy harlaman ýerine
ýetirýänleri,
ähtimi berk saklaýanlary,
7 mukaddes dagyma getirerin,
ybadat öýümde şatlandyraryn
olary;

ýakma gurbanlyklary, başga
gurbanlyklary
gurbanlyk sypamda kabul
ediler;
çünki Meniň öýüm ähli milletler
üçin
ybadat öýi diýip atlandyrylar».
8 Ysraýylyň kowlanlaryny toplaýan
Hökmürowan Reb şeýle
diýýär:
«Men öýüme eýýäm
toplananlardan
beýlekilerini-de toplaryn».

### *Ysraýylyň azgyn baştutanlary*

9 Eý, ähli wagşy haýwanlar,
eý, bütin jeňňel haýwanlary,
geliň, iýmäge geliň!
10 Ysraýylyň sakçylary kör,
hiç zady bilmeýärler;
ählisi üýrüp bilmeýän lal itlerdir;
olar ýatyp, düýş görýärler,
uklamagy gowy görýärler.
11 Doýanyny bilmeýän
açgöz itlerdir olar.
Olar düşünjesiz çopanlardyr;
hersi öz ýoly bilen gidýär,
her kes öz bähbidini araýar.
12 Olar: «Geliň, şerap getireliň!
Çakyrdan julk doýalyň.
Ertirimizem şu gün ýaly bolar,
hatda mundanam has gowy
bolar» diýýärler.

## 57-nji bap

1 Dogry adamlar ölüp gidýärler,
hiç kim muňa üns bermeýär.
Takwa adamlar ýogalýarlar,
muňa hiç kim düşünmeýär,
dogrular betbagtçylykdan
gutarylýar.
2 Olar rahatlyga gowuşýarlar;
dogrulykda gezýänler
öz ýerlerinde dynç alýarlar.
3 Emma siz, eý, jadygöýiň çagalary,
zynagäriň, kemçiniň zürýatlary,
golaýrak geliň!
4 Kimiň üstünden gülýärsiňiz?
Kime garşy agyz açyp,
diliňizi çykarýarsyňyz?
Siz ýazykly çagalar dälmisiňiz?
Ýalançy nesiller dälmisiňiz?
5 Dub agaçlarynyň arasynda,
gür ýaprakly agajyň astynda
butlar bilen zyna gyzyşyp,
derelerde, gaýalaryň
köweklerinde
çagalaryňyzy gurban edýän siz
dälmi eýsem?
6 Derýanyň ýylçyr daşlarynyň
arasyndadyr paýyňyz,
nesibäňiz şolardyr siziň;
olara sadaka hökmünde şerap
guýýarsyňyz,
galla sadakasyny
hödürleýärsiňiz,
bulardan soň sizi jezasyz
galdyrarynmy?
7 Beýik, uly dagyň üstünde
ýerleşdirdiňiz düşegiňizi,
gurbanlyk hödür etmäge
çykdyňyz ol ýere.
8 Gapylaryňyzyň, söýeleriňiziň
arka tarapynda
butparazçylykly heýkeller
goýduňyz.
Meni terk edip, ýalaňaçlanyp,
düşegiňize geçdiňiz.
Ony giňeltdiňiz;
äht edişdiňiz olar bilen,
olaryň düşegini söýdüňiz,
olaryň ýalaňaç bedenine
seretdiňiz.
9 Hoşboý ysly ýag bilen Molek
hudaýyň ýanyna gitdiňiz,
atyrlaryňyzy köpeltdiňiz;

uzak ýerlere ýolladyňyz
ilçileriňizi,
hatda ölüler dünýäsine
inderdiňiz.
10 Uzak ýollar sizi ýadatdy,
emma: «Bu biderek»
diýmediňiz siz.
Güýjüňizi gaýtadan dikeldip,
tapdan düşmediňiz.

11 Meni aldap, ýatlamazyňyz ýaly,
ýüregiňizde Maňa ýer
bermeziňiz ýaly,
kimden eýmendiňiz, kimden
gorkduňyz?
Uzak wagtlap dymandygym
sebäpli
Menden gorkmaýarsyňyzmy siz?
12 Dogrulygyňyzy, işleriňizi aýan
ederin,
nepi degmez bularyň size.
13 Perýat edeniňizde,
toplan butlaryňyz sizi halas etsin,
olary ýel süpürip äkider,
şemal uçuryp äkider olary.
Ýöne Meni pena tutunýan ýurdy
mülk ediner,
Meniň mukaddes dagymy
miras alar.

### *Pesgöwünlilere teselli*

14 Ol diýer: «Topragy tekizläp,
ýol taýynlaň,
halkymyň ýolundaky
päsgelçilikleri aýryň».
15 Beýik hem belent Bolan,
ebedi Ýaşaýan,
ady Mukaddes Bolan şeýle
diýýär:
«Men beýik, mukaddes ýerde
ýaşaýaryn,
pesgöwünlileriň ruhuny
janlandyrmak üçin,
ezilenleriň ýüreklerini
janlandyrmak üçin,
ezilenler we kiçigöwünliler
bilen biledirin.
16 Men hemişe aýyplap,
elmydama gaharlanmaryn;
ýogsam ýaradan ynsanymyň ruhy,
jany tapdan düşer.
17 Nähak gazanç etmişleri üçin
gaharlanyp,
olary jezalandyrdym,
gaharlandym, ýüz öwürdim;
emma olar öz islän ýollaryndan
gitdiler.
18 Olaryň ýollaryny gördüm,
ýöne şonda-da olara şypa
bererin,
olara we ýas tutýanlara ýol
görkezip,
teselli bererin.
19 Dillerinde öwgini Men ýaratdym,
uzakdakylara-da,
ýakyndakylara-da rahatlyk,
uly rahatlyk bererin,
olara şypa bererin».
20 «Emma pisler tolkun atýan deňiz
ýalydyr,
olar asuda bolup bilmeýärler,
tolkunlary laý we hapa çykarýar.
21 Pisler üçin rahatlyk ýokdur»
diýýär Hudaýym Reb.

## 58-nji bap

### *Hakyky ybadat etmeklik*

1 Gaty gygyr, çekinme!
Sesiňi surnaý kimin gatalt!
Halkyma ýazyklaryny,
Ýakubyň nesline günälerini
yglan et.
2 Olar her gün Meni agtarýarlar,
lezzet alýarmyşlar ýollarymy
bilmekden,

dogry iş edip, Hudaýyň
hökümlerini
terk etmedik millet kimin
Menden adyl höküm soraýarlar,
Hudaýa ýakynlaşmagy arzuw
edýärler.
3 Olar: «Biz agyz bekledik, näme
üçin görmeýärsiň?
Özümizi kiçeltdik, näme üçin
üns bermeýärsiň?» diýýärler.
Ine, siz agyz beklän günüňiz
öz isläniňizi edýärsiňiz,
işçileriňizi agyr işledýärsiňiz.
4 Ine, siz dawa, jenjel bilen,
rehimsiz ýumruklama bilen
agyz bekleýärsiňiz.
Bu günki agyz bekleýşiňiz bilen
ýokarda sesiňizi eşitdirmersiňiz.
5 Meniň saýlan agyz beklemäm,
ynsanyň özüni kiçeltmeli güni
şeýle bolarmy?
Gamyş kimin başyňyzy egip,
juluň, külüň üstünde ýatmak
üçinmi?
Siz muňa agyz bekleme,
Rebbe ýaramly gün
diýýärsiňizmi?
6 Meniň saýlaýan agyz beklemäm
adalatsyzlyk zynjyrlaryny
gyrmak,
boýuntyryk ýüplerini çözmek,
ezilenleri azat etmek,
her bir boýuntyrygy syndyrmak
üçin dälmi?
7 Çöregiňi aç bilen paýlaşyp,
öýsüz garyby öýüňe getirmek
üçin dälmi?
Ýalaňajy görende, oňa eşik berip,
garyndaşlaryňyzdan
kömegiňizi
gaýgyrmazlyk üçin dälmi?
8 Şonda nuruňyz daň kimin
ýalpyldar,
basym şypa taparsyňyz,
dogrulygyňyz öňüňizden gider,
Rebbiň şöhraty yzda goragyňyz
bolar.
9 Onsoň dileg edersiňiz, Reb jogap
berer;
perýat edersiňiz,
Ol: «Men bu ýerde» diýer.
Araňyzdan boýuntyrygy,
barmak çommaltmagy,
ýaman gepleri aýyrsaňyz,
10 açlaryň hatyrasyna janyňyzy pida
etseňiz,
ejirlileri zerur zatlary bilen
doýursaňyz,
garaňkylykda nuruňyz ýalpyldap,
tümlügiň günorta çagy dek
bolar.
11 Reb hemişe size ýol görkezer,
gurak ýerlerde sizi
kanagatlandyrar,
süýegiňize kuwwat berer.
Siz suwarylan bag kimin,
suwy egsilmeýän çeşme kimin
bolarsyňyz.
12 Köne harabalaryňyz täzeden
dikeldiler,
köp asyrlardan galan
harabalaryň düýbüni gaýtadan
tutarsyňyz;
olar size: «Jaýryklary bejerýän,
ýaşamak üçin köçeleri
düzedýän» diýerler.
13 Sabat gününi bozmakdan,
mukaddes günümde
isläniňizi etmekden saklansaňyz,
Sabat gününi ýakymly,
Rebbiň mukaddes gününi
hormatly saýsaňyz,
özüňize ýaraýany etmän,
isläniňizi etmän,
boş sözleri sözlemän,
ol güni hormatlasaňyz,

14 şonda siz Rebden hoşal
bolarsyňyz,
Men sizi dünýäniň
belentliklerine çykararyn;
ataňyz Ýakubyň mirasyny size
bererin.
Muny Reb aýdýandyr.

## 59-njy bap

### *Reb adalatsyzlygy jezalandyrýar*

1 Rebbiň eli gysga däldir halas
etmez ýaly,
eşitmez ýaly gulagy-da agyr
däldir.
2 Ýazyklaryňyz Hudaýyňyz bilen
araňyza aýralyk saldy,
sesiňizi eşitmez ýaly,
günäleriňiz Onuň ýüzüni
sizden gizledi.
3 Siziň elleriňiz gan bilen,
barmaklaryňyz etmişler bilen
haramlandy;
dilleriňiz ýalan sözleýär,
pis sözler çykýar agzyňyzdan.
4 Dogrulyga çagyrýan ýok,
adalatly çözýän ýok dawany.
Boş sözlere umyt baglaýar olar,
ýalan sözleýärler,
betbagtlykdan hamyla bolup,
ýamanlyk doguryarlar.
5 Kepjebaşyň ýumurtgalaryny
basyrýarlar,
möý kerebini dokaýarlar;
olaryň ýumurtgalaryny iýen ölýär,
alahöwren çykýar döwlen
ýumurtgadan.
6 Kerebinden eginbaş bolmaz
olaryň,
gazananlary bezenenlerine
ýetmeýär,
işleri erbet işdir,
ellerinde zorluk işi.
7 Aýaklary pislige ýortýar,
bigünä gan dökmäge howlugýar,
pikirleri şerdir,
harabalyk, weýrançylyk bar
ýollarynda.
8 Parahatlyk ýoly nedir, olar
bilmeýärler,
adalat ýokdur ýodalarynda,
özlerine egri ýollar etdiler,
ol ýollardan ýöreýänler
parahatlygy bilýän däldirler.
9 Muňa görä adalat bizden uzakda,
gutulyş bizden daşda;
biz nura garaşýarys, ýöne diňe
garaňkylyk;
ýagtylyga garaşýarys,
ýöne tümlükden barýarys.
10 Körler kimin diwary sermeleýäris,
sermeleşip gezýäris gözsüz
kimin,
günorta çagy alagaraňkyda
mysaly büdreýäris,
güýçlüleriň arasynda öli
ýalydyrys.
11 Ählimiz aýy deý arlaýarys,
gögerçin deý iňňildeýäris.
Adalata garaşýarys, ýöne ol ýok;
halas edilmäge garaşýarys,
ýöne ol bizden uzakda.
12 Öňüňde ýazyklarymyz köpdür,
günälerimiz özümize garşy
şaýatlyk edýär,
ýazyklarymyz ýanymyzdadyr,
etmişlerimizi biz bilýäris.
13 Ýazykly bolduk, Rebbi ret etdik,
Hudaýymyzdan ýüz öwürdik,
sütemiň, pitnäniň gürrüňini etdik,
kalbymyzdaky ýalan
sözlerimizi sözledik.
14 Adalat yza çekilýär,
dogrulyk uzakda;
şäher meýdançasynda büdreýär
hakykat,

dogrulyk aramyza girip bilmeýär.
15 Hakykat ýok,
ýamanlykdan gaça durýan
talanýar,
Reb muny gördi,
adalatyň ýokdugyna gynandy.
16 Reb hiç kimiň ýokdugyny gördi,
araçynyň ýokdugyna geň galdy;
Öz goly ýeňiş getirdi Oňa,
Öz dogrulygy goldady Ony.
17 Ol dogrulygy sowut kimin
geýindi,
gutulyş tuwulgasyny başyna
geýdi;
öç alyş lybasyna bürendi,
gazap donuny geýdi.
18 Ol her kese işlerine görä jeza
berer,
ýagylaryna gazap,
duşmanlaryna jeza garaşýar,
adalara jeza berer.
19 Günbatardakylar Rebbiň adyndan,
gündogardakylar Onuň
şöhratyndan gorkarlar.
Çünki Reb ýel kowalaýan dag
sili deý geler.
20 «Siona, Ýakup neslinden bolup,
ýazyklaryndan dönenlere
Penakär geler».
Muny Reb aýdýandyr.
21 «Meniň bolsa, olar bilen edýän ähtim,
ine, şudur: üstüňizdäki Ruhum, agzy-
ňyza salan sözlerim şu günden ebedä
çenli öz diliňizden, zürýatlaryňyzyň
dilinden, zürýatlaryňyzyň zürýatla-
rynyň dilinden düşmesin». Muny Reb
aýdýandyr.

## 60-njy bap

### *Sion şäheriniň şöhraty*

1 Tur, parla, nuruň geldi,
üstüňde Rebbiň şöhraty dogdy.
2 Ine, ýer ýüzüni garaňkylyk,
halklary tüm garaňkylyk bürär;
seniň üstüňde bolsa Reb peýda
bolar,
üstüňde bolar Onuň şöhraty.
3 Milletler yşygyňa gelerler,
şalar daňyňyň ýagtysyna.

4 Töwerege ser sal, galdyr başyňy,
ählisi üýşüşip, saňa gelýärler.
Ogullaryň uzakdan gelerler,
gujakda göteriler gyzjagazlaryň.
5 Şonda olary görüp, ýüzüň
ýagtylar,
şatlykdan tirpildär ýüregiň,
çünki baýlyk deňiz üsti bilen saňa
getiriler,
milletleriň baýlygy saňa geler.
6 Sen düýe sürülerinden,
Midýan, Eýpa köşeklerinden
dolarsyň;
bütin Şeba halky geler.
Olar altyndyr
ýakymly ysly tütetgi getirip,
Rebbe alkyş aýdarlar.
7 Kedaryň ähli sürüleri ýanyňa
toplanar,
Nebaýotyň goçlary saňa hyzmat
ederler,
olar gurbanlyk sypamda
gurbanlyk hökmünde kabul
ediler,
şöhratly öýümi
şöhratlandyraryn Men.

8 Kimdir bu bulut kimin süýşýänler,
höwürtgelerine gögerçin dek
uçýanlar?
9 Adalar Maňa umyt baglaýarlar
elbetde;
Hudaýyň Rebbiň,
Ysraýylyň Mukaddesiniň adynyň
hatyrasyna

Tarşyş gämileri öňürti gelýärler,
ogullaryň kümüşdir altynyny
özleri bilen getirýärler.
Reb seni şöhratlandyrdy.
10 Kesekiler diwarlaryňy dikerler,
olaryň şalary saňa hyzmat
ederler;
gazabymda seni jezalandyrdym,
ýöne mährimde rehim etdim
saňa.
11 Derwezeleriň açyk bolar mydam,
milletleriň öz patyşalarynyň
baştutanlygynda
baýlyklaryny saňa getirerleri ýaly,
gije-gündiz ýapylmaz.
12 Saňa hyzmat etmedik
millet we patyşalyk ýok bolar;
şol milletler bütinleý weýran
ediler.
13 Mukaddes öýümi bezemek üçin
Liwanyň baýlygy geler saňa,
Aýak basýan ýerimi
şöhratlandyrmak üçin
serwi, çynar we arça agaçlary
saňa getiriler.
14 Saňa ezýet berenleriň nesilleri
gelip,
tagzym ederler saňa,
seni kemsidenleriň ählisi
aýagyňa ýykylarlar;
saňa Rebbiň şäheri,
Ysraýylyň Mukaddesiniň
Siony[a] diýer olar.
15 Terk edilip, ýigrenilip,
üstüňden hiç kim geçmedi.
Indi bolsa Men seni baky beýik,
nesilden-nesle şatlyk ederin.
16 Milletleriň süýdüni emersiň,
Sorarsyň şalaryň göwsün.
Şonda sen Men Rebbiň
Halasgäriňdigimi,
Penakäriňdigimi, Ýakubyň
Gudratly Hudaýydygymy
bilersiň.
17 Bürünç ýerine altyn,
demir ýerine kümüş bererin Men;
agaç ýerine bürünç,
demir bererin daş ýerine.
Parahatçylygy baştutanyň,
dogrulygy gözegçiň edip
bellärin.
18 Ýurduňda mundan beýläk zorluk,
serhetleriň içinde weýrançylyk,
gyrgynçylyk bolmaz;
Hudaý halas edýär,
alkyş bolsun Hudaýa.

19 Mundan beýläk gündizine Gün
yşygyň bolmaz,
gijesine Aý saňa yşyk bermez;
çünki Reb seniň ebedi nuruň bolar,
şöhratyň öz Hudaýyň bolar.
20 Mundan beýläk Günüň batmaz,
Aýyň ýaşmaz,
çünki Reb seniň ebedi nuruň bolar,
ýasly günleriň tamam bolar.
21 Bütin halkyň dogruçyl bolar,
olar ýurdy baky eýelärler,
Özümiň şöhratlanmagym üçin,
eken nahalym, ellerimiň işidir olar.
22 Olaryň iň azy urug bolar,
güýçli millet bolar iň ejizi;
Men – Reb muny
öz wagtynda tiz amal ederin.

## 61-nji bap

### *Rebbiň merhemet ýyly*

1 Hökmürowan Rebbiň Ruhy
üstümdedir.
Garyplara hoş habary
bildirmegim üçin,

---

[a] **60:14** ***Sion*** – bu Iýerusalimiň beýleki ady. Sözlüge seret.

Ol meni seçip-saýlady[a];
göwni synyklara şypa bermäge,
tussaglara azatlygy yglan etmäge,
zyndandakylary boşatmaga
iberdi meni.
2 Rebbiň merhemet ýylyny,
Hudaýymyzyň öç aljak gününi
yglan etmäge,
ähli ýas tutýanlara göwünlik
bermäge,
3 Sionda ýas tutýanlaryň aladasyny
etmäge:
külüň deregine owadan
başatgyjyny,
ýasyň deregine şatlyk ýagyny,
gamgyn ruhuň deregine
alkyş donuny bermäge iberdi meni.
Rebbiň şöhratyny
görkezmek üçin ekilen
dogrulyk dub agaçlary diýler olara.
4 Olar gadymy harabalary täzeden
gurarlar,
öňki weýran bolan ýerleri
dikelderler,
nesilden-nesle weýran bolan
şäherleri,
harabalyklary abatlarlar.

5 Kesekiler gelip, sürüleriňizi
bakarlar,
ýat halklar daýhanyňyz,
bagbanyňyz bolar.
6 Size bolsa Rebbiň ruhanylary,
Hudaýymyzyň hyzmatkärleri
diýerler;
siz milletleriň baýlygyndan lezzet
alarsyňyz,
olaryň şöhratyna şärik bolarsyňyz.
7 Utanç deregine iki esse paý
alarsyňyz,
ryswalyk deregine mirasyňyzda
şatlanarsyňyz;
munuň üçin siz iki esse mülkli
bolarsyňyz,
ebedi şatlyk siziňki bolar.
8 «Men – Reb adalaty söýýändirin,
talaňçylygy, nähaklygy
ýigrenýändirin.
Olara muzdlaryny takyk bererin,
olar bilen ebedi äht baglaşaryn.
9 Olaryň nesilleri milletleriň
arasynda,
zürýatlary halklaryň arasynda
tanalar,
görenleriň ählisi olaryň Rebbiň
ýalkan halkydygyny bilerler».

10 Rebde şatlanaryn Men,
janym Hudaýymda joşar,
çünki Ol meni gutulyş lybasyna
besledi,
giýewiň täç geýşi dek,
gelniň şaý-sep bilen bezenişi deý,
Meni dogrulyk dony bilen örtdi.
11 Topragyň ösümliklerini ösdürişi
dek,
bagyň içindäki ekilenleri
gögerdişi dek,
Hökmürowan Reb-de dogrulyk
bilen
alkyşy ähli milletleriň öňünde
ösdürer.

## 62-nji bap

### *Sionyň täze ady*

1 Sionyň dogrulygy nur kimin,
halas ediliş ýanyp duran çyra
deý parlaýança,
Sionyň hatyrasyna,

---

[a] **61:1** ***Meni seçip-saýlady*** – sözme-söz terjime: *başyma ýag guýdy*. Kimdir biriniň başyna ýag guýup, patyşalyga ýa-da ruhanylyga belleme dessury. Sözlüge seret.

Iýerusalimiň hatyrasyna
dymmaryn.
2 Milletler dogrulygyňy,
patyşalar şöhratyňy görerler;
Rebbiň Öz agzyndan çykan
täze at bilen atlandyrylarsyň.
3 Rebbiň elinde gözellik täji,
Hudaýyňyň elinde şalyk jygasy
bolarsyň.
4 Mundan beýläk «Terk edilen»
diýilmez saňa,
mundan beýläk «Harabalyk»
diýilmez ýurduňa,
emma saňa «Söýdügim»,
ýurduňa «Ärli» diýler;
Reb seni söýýär,
ýurduň ärli bolar.
5 Ýigidiň gyza öýlenişi dek,
ogullaryň-da saňa eýe çykarlar,
giýewiň gelni üçin şatlanyşy dek,
Hudaý-da seniň üçin şatlanar.
6 Eý, Iýerusalim,
diwarlaryňda gözegçiler
goýdum,
gije-gündiz asla dymmaz olar.
Eý, Rebbe ýatladýanlar,
özüňize dynç bermäň,
7 Iýerusalimi berkidip,
ony ýer ýüzüniň şöhraty
edýänçä,
oňa ynjalyk bermäň.

8 Reb Öz sag elinden,
güýçli golundan ant içdi:
«Indi gallaňy duşmanlaryňa
iýmit hökmünde bermerin,
öz zähmetiň siňen şerabyňy
kesekiler içmezler.
9 Hasylyny ýyganlar iýip,
Rebbe alkyş aýdarlar,
ony toplanlar,
mukaddes howlularymda
içerler».

10 Geçiň, geçiň derwezelerden!
Halkyň ýoluny taýynlaň!
Çekiň, çekiň şaýoly,
ony daşlardan arassalaň,
halklar üçin baýdak dikiň!
11 Reb ýeriň aňry ujuna yglan etdi:
«Sion gyzyna [a] şeýle diý:
„Ine, Halasgäriň gelýär;
Onuň sylagy ýanyndadyr“».
12 Olara «Mukaddes halk,
Rebbiň azat edenleri» diýler,
saňa bolsa «Hudaýyň agtarany,
terk edilmedik şäher» diýler.

## 63-nji bap

### *Rebbiň gudraty*

1 Edomdan, Bosradan
gyrmyzy eşikli gelýän bu kim?
Şöhratly lybas içinde
beýik gudrat bilen ýöriş edýän
bu kim?

«Dabara bilen gepleýän,
halas etmäge güýji ýetýän
Mendirin!»

2 Näme üçin lybasyň gyrmyzy,
eşigiň üzüm sykýanyňky
kimin?

3 «Üzümi ýeke sykdym,
ýanymda halklardan hiç kim
ýokdy;
gaharlykam sykdym üzümi,
gazaplykam aýak astyna aldym;
onuň gany eşiklerime syçrady,
bar lybasymy hapalady.

[a] **62:11** ***Sion gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

4 Öç alyş güni ýüregimdedi,
halas etjek ýylym gelipdi.
5 Men seretdim, kömekçi ýokdy;
hiç kimiň Meni
goldamaýandygyna
haýran galdym.
Onsoň Öz golum Maňa ýeňiş
getirdi,
Öz gazabym Meni goldady.
6 Gaharyma halklary aýak astyna
aldym,
gazabyma olary serhoş etdim,
ganlaryny ýere dökdüm».

7 Rebbiň eden ähli işlerine görä
Onuň ýagşylygyny, alkyşlaryny,
rehimlerine görä, Ysraýyl nesline
görkezen beýik merhemetini,
uly ýagşylygyny agzaýyn.
8 Ol: «Elbetde, olar Meniň halkym,
Meni aldamajak ogullardyr»
diýdi.
Şeýdip, olaryň Halasgäri boldy.
9 Olar azap çekende, gynandy Ol.
Huzuryndan gelen perişde olary
halas etdi;
söýgüsi we rehimi bilen azat etdi
olary;
owaldan olary elinde göterip
geldi.
10 Emma olar pitne turzup,
Onuň Mukaddes Ruhuny
ynjatdylar;
Reb-de olara duşman bolup,
garşylaryna söweşdi.
11 Hudaýyň halky geçmişi,
Rebbiň guly Musany ýatlady.
Sürüsiniň çopanlary bilen bile
olary deňizden geçiren nirede?
Öz Mukaddes Ruhuny
içlerine salan nirede?
12 Gudratly goluny Musanyň
sagynda ýöreden,
Özüne ebedi at edinmek üçin
öňlerindäki suwy bölen nirede?
13 Halkyny deňiz düýbünden
geçiren kim?
Atyň büdremän çölden geçişi
dek
olar-da büdremediler.
14 Derä inýän mal sürüsi dek,
Rebbiň Ruhy olara rahatlyk
berdi.
Özüňe şöhratly at edinmek üçin
halkyňa, ine, şeýle ýol
görkezdiň.

15 Göklerden seret,
Öz mukaddes, şöhratly
mesgeniňden
bize nazar sal.
Yhlasyň, gudratyň nirede
Seniň?
Merhemetiň, rehimiň nirede?
Olary bizden sakladyň.
16 Atamyz Sensiň,
Ybraýym bizi bilmese-de,
Ysraýyl bizi tanamasa-da,
ýa Reb, biziň Atamyzsyň Sen,
owaldan bäri adyň
«Penakärimizdir».
17 Ýa Reb, näme üçin bizi Öz
ýollaryňdan azaşdyrýarsyň,
Senden gorkmazymyz ýaly
ýüreklerimizi gatadýarsyň?
Öz bendeleriň hatyrasyna,
Mirasyň bolan tireleriň
hatyrasyna yza dolan.
18 Mukaddes halkyň az wagt
mukaddes ýeriňe eýelik etdi,
emma duşmanlarymyz aýak
astyna atdylar ony.
19 Owaldan bäri üstlerinden
Sen höküm sürmedik,
Seniň adyň dakylmadyk
halka meňzedik biz.

## 64-nji bap

1 Gökleri ýaryp, aşak insediň, Sen!
Öňüňde titreşsedi daglar!
2 Alawyň çalyny ýandyryşy dek,
suwy gaýnadyşy dek oduň
adyňy duşmanlaryňa tanatdyrýaň,
milletler öňüňde lerzana gelerler.
3 Garaşylmaýan gorkunç işleri
edeniňde,
ýer ýüzüne indiň, öňüňde daglar
titreşdi.
4 Özüne umyt baglaýanlar üçin
şeýle işleri eden Hudaýy
owaldan bäri ne gulak eşidipdi,
ne-de göz görüpdi.
5 Dogry işleri şatlanyp edýänleri,
Seni ýatlaýanlary garşylaýarsyň
ýollaryňda.
Ýöne günä batdyk biz,
Sen gaharlandyň,
biz halas edilerismi?
6 Haram adam deý bolduk ählimiz,
ähli dogry işlerimiz haram
esgi deý.
Solýarys biz ýaprak deý,
ýel dek alyp gidýär
ýazyklarymyz bizi.
7 Seniň adyňy tutýan,
Saňa daýanjak bolup, oýanýan ýok;
Sen ýüzüňi gizlediň bizden,
bizi ýazyklarymyzyň
ygtyýaryna berdiň.
8 Şonda-da Atamyz Sensiň, ýa Reb,
biz toýundyrys, Sen küýzegärimiz,
Seniň eliňiň işidiris ählimiz.
9 Gaty gaharlanma,
hemişelik ýatlama ýazygy, ýa Reb,
ählimiz Seniň halkyňdyrys,
muny nazara al!
10 Mukaddes şäherleriň çöl boldy,
Sion düzlüge,
Iýerusalim haraba öwrüldi.
11 Atalarymyzyň Saňa
öwgi aýdan ýeri bolan
mukaddes hem gözel öýümiz
oda ýandy,
ähli eziz zatlarymyz haraba
öwrüldi.
12 Şulara garamazdan, ýa Reb,
saklanjakmy Sen?
Dymyp, şeýle gazaply ezýet
berjekmi bize?

## 65-nji bap

### *Höküm we gutulyş*

1 Meni soramaýanlara Özümi aýan
etdim,
agtarmaýanlar tapdylar Meni.
Adymy tutmaýan millete:
«Ine, Men! Ine, Men!» diýdim.
2 Men öz isleglerine eýerip,
ýaman ýoldan ýöreýän
pitneçi halka,
günuzyn ellerimi uzadyp otyryn.
3 Ol halk baglarda gurbanlyk berip,
ýakymly ysly tütetgi ýakyp
kerpiç sypada,
gözümiň alnynda yzly-yzyna
gaharymy getirýär.
4 Olar gabyrlaryň arasynda oturyp,
gizlin ýerlerde gijäni ötürýärler;
doňuz etini iýýärler,
haram et gaýnadýarlar
gazanlarynda.
5 Olar: «Daşda dur, ýakynlaşma,
men Senden mukaddesdirin»
diýýärler.
Olar burnuma tüssedir,
günuzyn ýanýan otdurlar.
6 Şeýle ýazylandyr, ine:
«Men dymmaryn, bererin
almytlaryny;
hawa, almytlaryny
gursaklaryna bererin.

7 Siziň ýazyklaryňyzyň,
daglarda ýakymly ysly tütetgi
ýakyp,
depelerde Meni äsgermezlik eden
atalaryňyzyň ýazyklarynyň
almytyny bererin.
Öňki eden işlerini ölçäp,
olary başlaryna getirerin»
diýýär Reb.

8 Reb şeýle diýýär:
«Üzüm heniz şirelikä,
kimdir biri: „Ony zaýalama,
bereket şondadyr“ diýýär.
Men-de bendelerimiň hatyrasyna
şeýle ederin,
olaryň hemmesini heläklemerin.
9 Ýakupdan nesilleri çykararyn,
Ýahudadan daglarymy miras
aljagy;
Meniň saýlanym ony miras alar,
bendelerim ol ýerde ýaşarlar.
10 Meni agtaran halkym üçin
Şaron sürülere öri,
Akor jülgesi sygyrlara ýatak bolar».
11 «Emma siz Rebbi terk edýänler,
mukaddes dagymy unudýanlar,
täleý buty üçin saçak ýazýanlar,
kysmat buty üçin garyşyk şerap
guýýanlar,
12 Men-de sizi gylyja niýetlärin,
baryňyz gyrylmak üçin dyza
çökersiňiz,
çagyranymda jogap bermediňiz,
geplänimde, gulak asmadyňyz,
nazarymda ýigrenýän işlerimi
etdiňiz,
Maňa ýaramaýany saýladyňyz».
13 Munuň üçin Hökmürowan Reb
şeýle diýýär:
«Bendelerim iýerler,
siz bolsa aç bolarsyňyz;
bendelerim içerler,
siz bolsa suwsarsyňyz;
bendelerim şatlanarlar,
siz bolsa utanja goýlarsyňyz;
14 Bendelerim ýürek şatlygyndan
aýdym aýdarlar,
ýöne siz ýürek derdinden perýat
edersiňiz,
hasratly ruh bilen perýat
edersiňiz.
15 Adyňyzy Öz saýlanlaryma
gargyş üçin galdyrarsyňyz.
Hökmürowan Reb sizi ölüme
höküm edip,
başga at berer Öz bendelerine.
16 Ýurtda özüne ak pata beren,
hakykat Hudaýynyň adyndan
pata berer;
ýurtda ant içen,
hakykat Hudaýyndan ant içer.
Öňki hasratlar unudylyp,
gözlerimden gizlener».

### *Täze gök, täze dünýä*

17 «Ine, Men täze gök, täze dünýä
ýaratmakçy,
öňki zatlar ýatlanmaz, ýada
düşmez.
18 Ýaratjak zatlaryma şatlanyp,
baky begeniň;
Ine, Men Iýerusalimi şatlyk üçin,
halkyny-da begenç üçin ýaratjak.
19 Iýerusalim üçin şatlanaryn,
halkym üçin begenerin.
Indi ne agy sesi
ne-de ahy-nala eşidiler ol ýerde.
20 Onda birnäçe gün ýaşap ölen
bäbekler,
ýa-da uzak ömür sürmedik
gojalar bolmaz;
ýüz ýaşynda ölen ýaş saýylar,
näletlenen saýylar ýüz ýaşa
ýetmedik.
21 Olar jaýlar salyp, onda ýaşarlar,

üzüm agaçlaryny ekip,
miwesini iýerler.
22 Başga biri ýaşamaz olaryň
guranynda,
başga biri iýmez olaryň ekenin.
Çünki halkymyň ömri
daragtyňky deý uzak bolar.
Saýlanlarym öz elleriniň
işlerinden lezzet alar.
23 Olar biderek zähmet çekmezler,
çaga dogurmazlar betbagtlyk üçin,
olaryň özleri-de, nesilleri-de
Rebbiň ýalkan zürýatlary bolar.
24 Olar çagyrmanka, Men jogap
bererin,
gepläp durkalar, Men eşiderin.
25 Böri bilen guzy bile otlar,
öküz deý saman iýer şir,
ýylan gum iýer.
Meniň tutuş mukaddes dagymda
hiç kime zelel ýetirmezler olar,
hiç kimi heläk etmezler»
diýýär Reb.

## 66-njy bap

### *Höküm we umyt*

1 Reb şeýle diýýär:
«Gökler Meniň tagtym,
ýer aýagyma kürsüdir.
Maňa gurjak öýüňiz hany?!
Dynçlyk mekanym nirede boljak?!
2 Öz elim ýaratdy bularyň baryn,
hemmesi-de Meniňkidir!
Ýöne Men kiçigöwünlä, ruhy synyga,
sözüme titreýäne nazar salaryn».
Muny Reb aýdýandyr.
3 «Öz ýollaryny saýlaýanlar,
nejis işlerinden lezzet alýanlar bar.
Öküzi gurbanlyk berýän
adam öldüren bilen deňdir,
guzyny gurbanlyk berýän
itiň boýnuny ýazdyran ýalydyr;
galla sadakasyny berýän
doňzuň ganyny hödürlän bilen
deňdir,
ýakymly ysly tütetgi tütedýän
buta sežde eden ýalydyr.

4 Olara zalymlyk etmegi saýlaryn
Menem,
gorkýan zatlaryny başlaryna
getirerin;
çünki Men çagyranymda,
hiç kim jogap bermedi,
geplänimde, diňlemediler;
Meniň ýigrenýän işlerimi etdiler,
Maňa ýaramaýan zatlary saýladylar».

5 Eý, Rebbiň sözüne titreýänler,
Onuň sözüne gulak goýuň:
«Sizi ýigrenýän,
Meniň adym üçin
sizi ret edýän doganlaryňyz:
„Reb şöhratlandyrylsyn,
bizem siziň şatlygyňyzy göreli!“
diýdiler.
Emma olaryň özleri utandyrylar».
6 Şäherden bir güýçli ses,
ybadathanadan bir ses eşidilýär!
Duşmanlarynyň jezasyny berýän
Rebbiň sesidir bu!

7 Burgusyz dogurdy,
bir ogul dogurdy azap çekmän.
8 Şeýle zady eşiden barmy?
Gören barmy şeýle zady?
Ýurt bir günde doglarmy?
Bir demde dünýä inermi millet?
Emma Sion burgusy tutan dessine
ogullaryny dogurdy.
9 «Men dogurma pursadyna ýetiribem,
dogurtmaýynmy?» diýýär Reb.
«Dogurmaga güýç berýän Men
ýatgyny ýaparynmy?» diýýär
Hudaýyň.

10 Iýerusalim bilen bile şatlanyň,
onuň üçin begeniň, eý, ony
söýýänler,
eý, Iýerusalim üçin ýas tutýanlar,
onuň bilen bile şatlanyň.
11 Onuň göwsünden emip,
doýarsyňyz, teselli taparsyňyz;
ganyp-ganyp içip,
doly göwsünden lezzet alarsyňyz.
12 Reb şeýle diýýär:
«Men abadançylygy derýa dek,
milletleriň baýlygyny
daşgyn çeşme dek
oňa ugrukdyraryn,
ol sizi emdirip,
elinde göterer,
aýagynda yralar.
13 Enäniň çagasyna teselli berşi dek,
Menem size teselli bererin.
Siz Iýerusalimde teselli
taparsyňyz».
14 Bulary görüp, kalbyňyz şatlykdan
dolar,
bedeniňiz maýsa kimin gülläp
öser;
Rebbiň eliniň bendeleriniň
üstündedigi aýan bolar,
Onuň gazaby bolsa
duşmanlaryna garşydyr.
15 Çünki Reb alaw bilen gelýär,
söweş arabalary tüweleý dek,
lowlaýan gazabyny, käýinjini
ýalynly alaw kimin döker.
16 Reb bütin adamzada
otdur gylyjy bilen höküm eder,
Rebbiň öldürenleri köp bolar.
17 Butparaz seždegählerine girmek
üçin,
özlerini mukaddes edip, inlerini
tämizlänler,
şeýle-de doňuz, syçan we beýleki
haram haýwanlaryň etini
iýenleriň ortasynda
baş bolup duranyň yzyna
eýerenler ýok bolarlar.
Muny Reb aýdýandyr.

18 Reb şeýle diýýär: «Men olaryň iş-
lerini-de, niýetlerini-de bilýärin. Ähli
milletleri we dilleri bir ýere toplamak
üçin Men gelýärin. Olar gelip, Meniň
şöhratymy görerler. 19 Men olaryň ara-
synda bir alamat görkezerin. Olaryň
arasyndan gaçyp gutulanlary milletleriň
arasyna, Tarşyşa, Pula, ýaýçy Luda,
Tubala, Ýawana, Men barada eşitme-
dik, şöhratymy görmedik uzakdaky
adalara ýollaryn. Olar Meniň şöhraty-
my milletleriň arasynda yglan ederler.
20 Ysraýyl ogullarynyň galla sadakasyny
halal gapda Rebbiň öýüne getirişleri
ýaly, olar hem siziň doganlaryňyzyň
baryny atlarda, söweş arabalarynda,
at arabalarynda, gatyrlardyr düýelerde
ähli milletleriň içinden toplap, Meniň
mukaddes dagyma – Iýerusalime Rebbe
peşgeş hökmünde getirerler. 21 Olaryň
arasyndan birnäçesini ruhany we lewi
edip saýlaryn».
22-23 «Meniň ýaratjak täze gögümiň,
täze ýerimiň gözümiň alnynda duruşlary
ýaly, siziň nesilleriňiz bilen adyňyz-da
şeýle bolar. Her Täze Aý baýramynda,
her Sabatda ähli ynsanlar huzuryma
gelip, Maňa ybadat ederler». Muny Reb
aýdýandyr. 24 Olar daşa çykyp, Maňa
garşy baş galdyranlaryň jesetlerini
görerler. Olaryň jesetlerini iýýän gurt
ölmez, olary ýakýan ot sönmez; olar
bütin adamzada ýigrenji bolarlar.

# Ýermeýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Ýermeýa pygamber Ýahuda ýurdunda, Iýerusalimiň demirgazyk tarapynda ýerleşýän Anatot obasynda ruhanynyň maşgalasynda dogulýar. Ysraýyl ýurdy ikä bölünenden soň, Ýahuda Günorta patyşalygyna degişlidi.

Ýermeýa b. e. öň 626-njy ýylda pygamberlik edip başlaýar. Onuň ady «Reb beýgeldýär», «Reb berkarar edýär», «Reb aýlap taşlaýar» diýmegi aňladýar. «Aýlap taşlaýar» – bu ýerde duşmançylykly dünýä pygamberi taşlaýar ýa-da milletleri günäleri zerarly ýere pylçap urýar diýen manyda ulanylýar.

Reb Ýahuda ýurdunyň üstünden jeza inderjek bolany üçin, Ýermeýa pygambere öýlenmegi we çaga edinmegi gadagan edýär. Şol jezalandyrylyşyň dowamynda indiki nesil bütinleý ýok edilmelidi. Ýermeýa ýahudy halky jezalandyrylyp, Babyla sürgün ediljekdigi barada pygamberlik edeni üçin, öz döwürdeşleriniň arasynda halanylmaýardy. Ýöne şeýle bolandygyna garamazdan, Baruk atly adam onuň sadyk ýoldaşyna öwrülip, pygamberiň ähli aýdanlaryny ýazga geçirýär. Ýermeýa ömrüniň ahyrky günlerini Babylda däl-de, Müsürde geçirýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, ol hut şol ýerde aradan çykýar ýa-da öldürilýär.

Ýermeýanyň pygamberlikleri käwagt, aýratyn hem Babyl sürgünliginde ruhdan düşen halka teselli berýärdi. Reb olara Babyl ýurdunda ornaşmagy buýrup, şeýle diýýär: «Öýler gurup, olarda ýaşaň; baglar ekip, miwesini iýiň. Öýleniň, ogullaryňyz hem gyzlaryňyz bolsun. Ogullaryňyzy öýlendiriň, gyzlaryňyzy durmuşa çykaryň. Olardan-da ogullar we gyzlar dünýä insin. Ol ýerde azalmaň-da, gaýtam köpeliň. Sizi ýesir edip getiren şäherimiň parahatlygyny gazanmaklyga çalşyň. Ol şäher üçin Rebbe dileg ediň, çünki siziň parahatlygyňyz onuň parahatlygyna baglydyr» (29:5-7). Şeýle pygamberlik ýahuda halkyny geň galdyrýar, sebäbi olar ata-babalarynyň ýurduna dolanmagy küýseýärdiler. Emma Reb sözüni dowam edip, ýahudylara şeýle diýýär: «Siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir». (29:11).

Kitapda Rebbiň halkynyň galkynyşy, Onuň gelejekde olar bilen baglanyşjak täze ähti barada hem pygamberlikler bardyr. Bu pygamberlikler kitabyň 30 – 33-nji baplarynda, aýratyn-da 31-nji babynda beýan edilýär.

Kitabyň ahyrky baplarynda Babyl we Müsür ýaly daş-töwerekde ýerleşýän ýurtlarda ýaşaýan halklara garşy aýdylan pygamberlikler beýan edilýär (46 – 51-nji baplar). Bu pygamberlikler Rebbiň tutuş dünýäni gözegçilikde saklaýandygyna şaýatlyk edýär. Kitap Ýermeýanyň ähli pygamberlikleri aýdylyp bolnandan soň sözsoňy, ýagny Iýerusalimiň ýykyljakdygy baradaky pygamberligi bilen tamamlanýar. Bu gözel şäheriň weýran ediljekdigi hem Ýermeýa pygamber tarapyndan aýdylypdy.

Ýermeýa pygamber «Ýermeýanyň agysy» atly kitabyň hem awtorydyr.

***Mazmuny***


Reb Ýermeýa pygamberi çagyrýar .................... *1:1-19*
Ýoşyýa, Ýehoýakym, Ýehoýakyn we Sidkiýa patyşalaryň şalyk süren döwründe aýdylan pygamberlikler .................... *2:1–25:38*
Ýermeýanyň durmuşynda bolan wakalar .................... *26:1–45:5*
Milletlere garşy aýdylan pygamberlikler .................... *46:1–51:64*
Iýerusalimiň ýykylmagy .................... *52:1-34*


---

**1-nji bap**

1 Bular benýamin topragyndaky Anatot obasynda ýaşaýan ruhanylaryň biri bolan Hilkiýanyň ogly Ýermeýanyň sözleridir.
2 Amon ogly Ýoşyýanyň Ýahudada patyşalygynyň on üçünji ýylynda Ýermeýa Rebbiň sözi aýan boldy.
3 Ýoşyýanyň ogly Ýehoýakymyň döwründen, onuň beýleki ogly Sidkiýanyň şalygynyň on birinji ýylynyň bäşinji aýyna çenli, ýagny Iýerusalim halkynyň ýesir edilip äkidilen wagtyna çenli Ýermeýa Rebbiň sözüniň gelmegi dowam etdi.

***Reb Ýermeýany çagyrýar***

4 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
5 «Men seni eneňiň göwresinde
şekil bermezimden öň tanadym.
Eneden dogulmazyňdan öň
seni Özüme bagyş etdim,
milletlere pygamber belledim».

6 Şonda men: «Wah, Hökmürowan Rebbim! Men düzüwli geplemäni-de oňaramok. Men entek ýaş oglan ahyry» diýdim.
7 Emma Reb maňa şeýle diýdi:
«Sen özüňe ýaş oglan diýme.
Kimiň ýanyna ibersem, gidersiň;
näme buýursam, şony aýdarsyň.
8 Olardan gorkma,
seni halas etmek üçin
Men seniň bilendirin».
Muny Reb aýdýandyr.

9 Soňra Reb elini uzadyp, agzyma degirdi we maňa şeýle diýdi:
«Ine, Men sözlerimi seniň agzyňa
saldym.
10 Bu gün Men saňa milletleri hem
şalyklary
sogrup taşlamagy we ýykmagy,
ýok etmegi we ýer bilen ýegsan
etmegi,
gurmagy we bina etmegi
tabşyrýaryn».

11 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: «Ýermeýa, sen näme görýärsiň?» diýip
soraday. Men: «Badam agajynyň şahasyny

görýärin» diýdim. [12]Onsoň Reb maňa:
«Dogry gördüň, çünki Men her bir sözü-
miň amala aşmagyna gözegçilik edýärin[a]»
diýdi. [13]Maňa ýene Rebbiň sözi gelip, Ol:
«Näme görýärsiň?» diýip sorady. Men:
«Demirgazykda biz tarapa gyşaryp gaý-
nap duran gazany görýärin» diýip jogap
berdim. [14]Reb maňa şeýle diýdi: «Ýurduň
ähli ilatynyň üstüne demirgazykdan bet-
bagtlyk iner. [15]Ine, Men demirgazykdaky
ähli milletleri çagyrýaryn, muny Men –
Reb aýdýandyryn. Olaryň patyşalarynyň
ählisi gelip, özleriniň tagtyny Iýerusalim
derwezeleriniň girelgesinde, onuň daş-tö-
weregindäki diwarlarynyň we Ýahudanyň
ähli şäherleriniň garşysynda gurarlar.
[16]Olaryň Menden ýüz öwrüp eden ähli
pislikleri üçin, başga hudaýlara sadakalar
berip, öz elleriniň ýasan işlerine seždä
edendikleri üçin, Men olaryň garşysyna
Öz hökümimi yglan ederin. [17]Emma sen
welin, biliňi berk guşa. Tur-da, buýurýan
ähli zatlarymy olara aýt. Olardan gorkma,
ýogsam Men-de seni olaryň gözüniň al-
nynda gorka salaryn. [18]Ine, bu gün Men
seni tutuş ýurduň garşysyna – Ýahuda
patyşalaryna, onuň ýolbaşçylaryna, ru-
hanylaryna, ýurduň halkyna garşy berk
gala, demir sütün we bürünç diwar etdim.
[19]Olar seniň garşyňa söweşerler, emma
senden üstün çykmazlar. Çünki seni halas
etmek üçin Men seniň bilendirin». Muny
Reb aýdýandyr.

### 2-nji bap

***Ysraýyl halky Rebden ýüz öwürýär***

[1]Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
[2]«Git-de, şulary Iýerusalim halkyna jar
et. Reb şeýle diýýär diý:

„Men seniň ýaşlygyňdaky wepaňy,
gelin wagtyňdaky söýgiňi
ýatlaýan,
çölde – ekin bitmeýän ýerde,
Meniň yzyma eýerişiňi ýatlaýan.
[3] Ysraýyl Reb üçin mukaddes
halkdyr,
Onuň hasylynyň ilkinji
miwesidir.
Ondan iýenleriň ählisi ýazykly
bolup,
üstlerinden betbagtlyk indi“.
Muny Reb aýdýandyr.
[4] Rebbiň sözüne gulak asyň,
eý, Ýakup nesli,
Ysraýylyň ähli kowumlary!
[5] Reb şeýle diýýär:
„Menden uzaklaşar ýaly,
ata-babalaryňyz Menden
näme ýamanlyk gördüler?
Biderek zatlaryň yzyna eýerip,
özleri-de biderek boldular.
[6] Olar: ‘Bizi Müsürden çykaran,
çölde, çukurlykda hem çolalykda,
gurak hem tüm garaňkylykda,
hiç kimiň aýak basmadyk,
hiç kimiň ýaşamadyk ýerinde
bize ýol görkezen Reb nirede?’
diýip soramadylar.
[7] Miwesidir näz-nygmatyndan
iýsin diýip,
getirdim Men sizi bereketli ýere.
Emma gireniňizde ol ýere,
haram etdiňiz siz ülkämi,
nejis zada öwürdiňiz mülkümi.
[8] Ruhanylar: ‘Reb hany?’ diýip
soramadylar.
Kazylar Meni tanamadylar,
ýolbaşçylar Maňa garşy pitne
turuzdylar,

---

[a] **1:12** ***Gözegçilik edýärin*** – ýewreýçe *badam* we *gözegçilik edýärin* sözleriň aýdylyşy meňzeşdir. Bu söz oýnatmadyr.

pygamberler Bagal butunyň
adyndan
pygamberlik edip,
biderek zatlaryň yzyna
eýerdiler.
9 Şonuň üçin hem Men ýene bir
gezek sizi ýazgarýaryn.
Muny Reb aýdýandyr.
Men siziň çagalaryňyzyň
çagalaryny hem ýazgarýaryn.
10 Kipriň kenarýakalaryna gidip
görüň,
Kedara adam ýollap, üns bilen
gözden geçiriň.
Ser salyň, heý, öň bolupmy
şeýle zatlar?
11 Öz hudaýlaryny çalşan millet
barmy?
Ýogsam olaryň hudaýlary
Hudaýam däl.
Emma Meniň halkym öz şöhratly
Hudaýyny
çalyşdy biderek zada.
12 Eý, gökler, muňa aňk-taňk boluň,
gorkudan titreşiň.
Muny Reb aýdýandyr.
13 Çünki Meniň halkym iki sany pis
iş etdi:
akar suwlaryň gözbaşy bolan
Meni terk etdiler,
özlerine howdanlar, gyrasy çat
açan,
suw saklamaýan howdanlar
gazdylar.
14 Ysraýyl gulmy näme?
Ol dogabitdi hyzmatkärmi?
Onda neçün ol olja boldy?
15 Arslanlar oňa garşy arladylar,
seslerine bat berdiler.
Ysraýyl ýurduny weýran etdiler,
şäherlerini haraba öwürdiler,
ol ýerde bir adam-da galmady.
16 Memfis we Tahpanhes halky
pytratdy kelleçanagyňy.
17 Terk etdiň ýol görkezýän
Hudaýyň Rebbi,
inderdiň şeýdip öz başyňdan
bulary.
18 Indi näme üçin Niliň suwundan
içmäge
gidýärsiňiz Müsüre?
Ýewfrat derýasyndan ganmaga
gidýärsiňiz Aşura?
19 Sizi öz pisligiňiz jezalandyrar,
dönükligiňiz paş eder.
Öz Hudaýyňyz Rebbi terk
etmegiň,
Ondan gorkmazlygyň
pislikdigini,
ajydygyny biliň hem görüň.
Muny Gudratygüýçli–Hökmürowan
Reb aýdýandyr.

20 Sen bireýýäm boýuntyrygyňy
döwüp,
diýdiň tanaplaryňy üzüp:
‘Saňa gulluk etmerin’.
Her bir beýik baýyrlykda butlara
sežde etdiň,
gür ýaprakly her bir agajyň
astynda
zyna etdiň serlip ýatyp.
21 Ekipdim seni iň oňat tohumdan
saýlama üzüm agajy hökmünde.
Eýsem nädip sen azyp,
öwrüldiň ýabany üzüm agajyna?
22 Ýuwsaň-da aşgar bilen özüňi,
sürtseň-de köp sabyny,
durandyr huzurymda
ýazygyňyň tagmasy.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
23 Sen nädip: ‘Men haram däl.
Bagal butunyň yzyna
eýermedim’ diýip bilýärsiň?
Jülgede eden günäňe seret, näme
edeniňi gör!

Sen özüni ol ýere, bu ýere urýan
ýyldam maýasyň.
24 Sen çöle öwrenişen,
gyzgyn demi bilen şemala
pyşgyran gulansyň.
Esrän wagty ony kim saklap
biler?
Ýadamaz ony gözleýänleň hijisi,
esrän wagty taparlar ony.
25 Aýagyňy ýalaňaçlykdan,
bogazyňy suwsuzlykdan gora.
Emma sen: ‘Tamakin bolma!
Men keseki hudaýlary söýdüm,
olaryň yzyna eýererin!’ diýdiň.
26 Tutulanynda ogrynyň utanyşy dek,
ysraýyl halky-da, onuň
patyşalary-da,
ýolbaşçylarydyr ruhanylary-da,
pygamberleri-de utandylar.
27 Olar bir agaja ‘Sen meniň
atamsyň’,
bir daşa ‘Meni sen dogurdyň’
diýýärler.
Olar Maňa ýüzlerini däl-de,
ýeňselerini öwürdiler.
Emma başlaryndan bela inende,
‘Gel-de, bizi halas et!’ diýýärler.
28 Hany, özüňize ýasan
hudaýlaryňyz nirede?
Başyňyzdan bela inende,
sizi halas edip bilýän bolsalar,
goý, gelsinler.
Eý, ýahuda halky, şäherleriň
sany näçe bolsa,
hudaýlaryňyň sany hem
şonçadyr.
29 Neçün siz Maňa şikaýat edýäňiz?
Baryňyz Maňa garşy baş
galdyrdyňyz.
Muny Reb aýdýandyr.
30 Perzentleriňize nähak temmi
beren ekenim,
barybir olar ýola gelmediler.
Öz gylyjyňyz ýyrtyjy arslan deý
pygamberleriňizi ýuwutdy.
31 Eý, bu döwrüň nesilleri,
Rebbiň sözüne gulak goýuň.
Men Ysraýyl üçin bir çöllük,
boldummy tüm garaňky ýurt?
Neçün diýýär halkym: ‘Biz erkin,
barmarys ýanyňa gaýdyp’?
32 Heý-de gyz öz şaý-seplerini,
gelin öz kürtesini unudarmy?
Emma halkym Meni sansyz
günläp unutdy.
33 Sen oýnaşlaryňy gözläniňde,
ýoluňy tapmaga nähili ussat!
Hatda pis aýala-da ýollaryňy
öwretdiň.
34 Etegiň-de bigünä garybyň ganyna
boýalan,
ony sen ogurlykda tutmadyň
ýogsam.
Bu zatlaryň baryna garamazdan,
35 sen diýýäň: ‘Men günäsiz, elbetde,
Rebbiň gahary sowuldy
menden’.
Ine, ‘Men günä etmedim’ diýeniň
üçin,
Men seniň üstüňden höküm
çykararyn.
36 Neçün yzly-yzyna edýärsiň sen
dönüklik?
Aşurda masgara bolşuň dek,
masgara bolarsyň Müsürde hem.
37 Reb ret etdi bil baglaýan
halklaryňy,
indi rowaçlyk gazanmarsyň
olaň üsti bilen.
Çykarsyň eliňi ýüzüňe tutup, ol
ýerden hem“».

### 3-nji bap

1 «Aýdaly, bir adam aýalynyň tala-
gyny berýär, ol aýal hem onuň bilen

aýrylyşyp, başga birine barýar. Mundan
soň ýaňky adam bu aýaly ikinji gezek
alarmy? Beýle etse ýurt bütinleý haram
bolmazmy? Sen bolsa, eý, Ysraýyl, köp
oýnaşlar bilen zyna etdiň. Indi bir Maňa
tarap öwrülersiňmi? Muny Reb aýdýan-
dyr. [2] Seret, ýalaňaç gaýalara nazar sal!

Heý, seniň zyna etmedik ýeriň
barmy?
Çöldäki garakçylar ýaly
ýollaryň gyrasynda oturyp,
oýnaşlaryňa garaşdyň.
Loluçylygyň hem pisligiň bilen
ýurdy harama çykardyň.
[3] Şonuň üçin ýagmyrlaryň yzy
kesildi,
ýaz ýagşy ýagmady.
Sen bihaýa lola meňzediň,
utanjyň nämedigini bilmediň.
[4] Indi sen Maňa: „Atam,
ýaşlygymdan Sen dostumsyň!
[5] Sen ömürlik gaharlanjakmy?
Öýke-kinäňi baky saklajakmy?“
diýip aýtdyň.
Ine, sen şu zatlary aýtsaň-da,
edip bilen ýamanlyklaryňy
etdiň».

### *Biwepa Ysraýyl we Ýahuda*

[6] Ýoşyýa patyşanyň döwründe Reb
maňa şeýle diýdi: «Sen biwepa Ysra-
ýylyň eden zatlaryny gördüňmi? Her
bir beýik baýyrda, gür ýaprakly her
bir agajyň astynda zyna etdi. [7] Men ol
bu zatlary edenden soň, Maňa tarap
öwrüler öýtdüm, emma ol öwrülmedi;
muny onuň haýyn uýasy gördi. [8] Men ähli
eden zynalary üçin biwepa Ysraýylyň
talagyny berip, kowup goýberenimde
hem onuň haýyn uýasy Ýahudanyň hiç
gorkmandygyny, gaýtam onuň hem loly
bolup, zyna edendigini gördüm. [9] Ysraýyl
hiç ähmiýet bermedi, daşlara we agaçlara
sežde etmek bilen, zyna etdi we ýur-
dy bütinleý harama çykardy. [10] Bu ähli
zatlara garamazdan, onuň haýyn uýasy
Ýahuda Maňa çyn ýürekden däl-de, ýa-
landan dolandy». Muny Reb aýdýandyr.

[11] Reb maňa şeýle diýdi: «Biwepa Ys-
raýyl haýyn Ýahuda garanda adyl bolup
çykdy. [12] Git-de, bu sözleri demirgazyga
jar edip, şeýle diý: „Eý, biwepa Ysraýyl,
Maňa dolan! Muny Reb aýdýandyr. Men
merhemetlidirin, indi Men saňa gazaply
bakmaryn, gaharymy baky saklamaryn.
Muny Reb aýdýandyr. [13] Emma sen öz
ýazygyňy boýun al: öz Hudaýyň Rebbiň
garşysyna baş galdyrdyň, gür ýaprakly her
bir agajyň astynda keseki hudaýlara köňül
berdiň, Maňa gulak asmadyň. Muny Reb
aýdýandyr. [14] Eý, biwepa halk, Maňa dolan,
muny Men – Reb aýdýandyryn, çünki
siziň hojaýynyňyz Mendirin. Men sizi
bir-birden şäherden, iki-ikiden urugdan
çykaryp, Siona[a] getirerin. [15] Men size Öz
göwnümdäki ýaly çopanlary berjek, olar
sizi bilim we düşünje bilen bakarlar. [16] Siz
ýurtda köpelip, san-sajaksyz bolanyňyz-
da, olar gaýdyp Rebbiň Äht sandygyny
agzamazlar. Muny Reb aýdýandyr. Ol
kellä gelmez ýa-da ýatlanylmaz, ony küý-
semezler, başgasyny-da ýasamazlar. [17] Şol
döwür Iýerusalim Rebbiň tagty diýlip
atlandyrylar we ähli milletler şol ýerde,
Iýerusalimde Rebbiň huzuryna üýşerler.
Mundan beýläk olar kesirlik bilen ýaman
niýetlerine kowalaşmazlar. [18] Şol günlerde
ýahuda halky ysraýyl halky bilen birleşer.
Ikisi birlikde demirgazyk ýurtdan çykyp,
Meniň ata-babalaryna mülk edip beren
ýurduma geler.

---

[a] **3:14** ***Sion*** – bu Iýerusalimiň beýleki ady. Sözlüge seret.

19 Sizi çagalarymyň arasynda
ornaşdyryp,
size gözel ýurdy –
ähli milletleriň iň ajaýyp
mirasyny bermekçidim.
Siz Meni Atam diýip
çagyrarsyňyz,
Menden ýüz öwürmersiňiz
öýtdüm.
20 Emma bir aýalyň öz ärine
biwepalyk edişi ýaly,
siz hem Maňa biwepalyk
etdiňiz, eý, ysraýyl halky!“»
Muny Reb aýdýandyr.

21 Ýalaňaç gaýalardan bir ses eşidilýär,
bu ysraýyl halkynyň agysy hem
ahy-nalasydyr.
Çünki olar ýollaryny urdurdylar,
özleriniň Hudaýy Rebbi
unutdylar.

22 «Dolanyň, eý, biwepa perzentler,
Men biwepalygyňyza şypa
bererin».
Halk diýer: «Ine, biz Seniň
ýanyňa gelýäris,
çünki Hudaýymyz Reb Sensiň!»
23 Dogrudan-da, depelerden,
daglardan gelýän
gykylykdyr gowgalar ýalandyr.
Hakykatdan hem Hudaýymyz Reb
Ysraýyly halas edýär.
24 Ýaşlygymyzdan bäri ata-babalary-
myzyň bar zähmetini, olaryň sygyrdyr
goýun sürülerini, oguldyr gyzlaryny
bihaýa butlar ýuwudyp-ýalmap gelýär-
ler. 25 Utanjymyzda ýatalyň, ryswalyk
ýorganymyz bolsun; çünki ata-baba-
larymyz we biz ýaşlygymyzdan tä şu
güne çenli Hudaýymyz Rebbe garşy
günä edip geldik. Hudaýymyz Rebbe
gulak asmadyk.

**4-nji bap**

1-2 «Eý, Ysraýyl! Eger dolanmak
isleseň,
Maňa tarap dolan.
Eger azaşmasaň,
ýigrenji butlaryňy
huzurymdan aýyrsaň,
hakykatda, adyllykda we
dogrulykda
„Diri Rebden ant içýärin!“ diýseň,
onda milletler Rebden pata
alarlar,
Onuň bilen magtanarlar».
Muny Reb aýdýandyr.
3 Şonuň üçin Reb ýahuda halkyna
we Iýerusalim ilatyna şeýle
diýýär:
«Sürülmedik ýeriňizi sürüň,
tikenleriň arasyna ekin ekmäň.
4 Eý, ýahuda halky we Iýerusalim
ilaty,
Men-Reb üçin ýüregiňizi
sünnetläp,
özüňizi Maňa bütinleý bagyş
ediň.
Ýogsam pis işleriňiz sebäpli
Men gazabymy ot kimin
lowladaryn,
ony hiç kim söndürip bilmez».

***Demirgazykdan betbagtlyk gelýär***

5 Şuny Ýahudada yglan et, Iýerusa-
limde jar et:
«Ýurtda surnaý çalyň!
Batly gygyryp diýiň:
„Geliň, üýşüp, berk galalara
gireliň!“.
6 Siona tarap ýoly görkezýän bir
nyşan goýuň,
gaçyp gutulyň, eglenmäň!
Çünki Men demirgazykdan bela,
äpet betbagtlyk indererin.

[7] Arslan süreninden çykdy,
milletleri helákleýji ýola düşdi.
Ýurduňyzy weýran etmek üçin,
Ol mekanyndan çykdy.
Şäherleriňiz ýer bilen ýegsan bolup,
ilatsyz haraba döner.
[8] Munuň üçin jul geýniň,
zarynlap aglaň.
Çünki Rebbiň gahar-gazaby
bizden sowulmady».
[9] «Şol gün patyşanyň we baştutanlaryň
ýüregi hopugar. Ruhanylar aňk-taňk bo-
larlar, pygamberler geň galarlar». Muny
Reb aýdýandyr.
[10] Onsoň men şeýle diýdim: «Wah,
Hökmürowan Reb! Bu halky we Iýe-
rusalimi bütinleý aldap, siziň üçin
sag-salamatlyk boljak diýdiň. Emma
gylyç bogazymyza goýuldy!» [11] Şol wagt
bu halka we Iýerusalime şeýle diýler:
«Sähradaky ýalaňaç gaýalardan eziz
halkymyň üstüne gyzgyn epgek öwser,
bu harman sowurmak ýa-da arassalamak
üçin däldir. [12] Menden gelen bu epgek
bulardan has güýçli bolar. Olara garşy
höküm eden Men-Rebdirin.
[13] Ine, duşman bulut kimin gelýär,
söweş arabalary harasat
kimindir.
Onuň atlary bürgütden
ýyldamdyr.
Dat günümize, biz weýran
bolduk!
[14] Ýüregiňi tämizläp päkle pislikden,
eý, Iýerusalim, halas bolarsyň
şonda.
Erbet niýetleriňi ýene
näçe wagt saklajak içiňde?
[15] Çünki Dandan bir ses eşidilýär,
Efraýym dagyndan ölüm
habary gelýär».
[16] Milletlere yglan ediň, Iýerusalime jar
ediň: «Ine, olar geldiler! Uzak ýurtdan
gabawçylar gelip, Ýahuda şäherlerine
garşy söweş nagralaryny çekerler. [17] Olar
ekin sakçylary ýaly onuň daş-töwere-
gini gabarlar, çünki Iýerusalim Maňa
garşy baş galdyrdy. Muny Reb aýdýan-
dyr. [18] Bulary seniň başyňa getiren öz
ýollaryň we işleriňdir. Bu seniň jezaň!
Nähili ajy! Bu seniň ýüregiňiň törüne
ýetdi».
[19] Wah janym, wah janym!
Agyryma çydamok!
Wah, kalbymyň aýnasy!
Ýüregim hasrat çekýär,
ümsüm bolup bilemok, çünki sen,
eý, janym,
eşitdiň surnaý sesin, söweş
nagrasyn.
[20] Betbagtlyk üstüne betbagtlyk geldi,
tutuş ýurt wes-weýran boldy,
ýok boldy birdenkä çadyrlarym,
bir demde perdelerim.
[21] Haçana çenli men söweş tuguny
görüp,
surnaý sesini eşitmelikäm?
[22] «Meniň halkym akmak,
olar Meni tanamaýarlar.
Olar kemakyl çagalar, olarda
düşünje ýok.
Olar ýamanlyk etmegi
başarýarlar-da,
ýagşylyk etmegiň nämedigini
bilenok».

[23] Men–Ýermeýa ýere syn etdim,
ine, ol şekilsiz boşlukdy.
Asmana bakdym, onda yşyk
ýokdy.
[24] Daglara seretdim, olar titreýärdi,
ähli depeler ikiýana yraň
atýardy.
[25] Seretdim, hiç bir ynsan ýokdy,
gökdäki ähli guşlar uçup
gidipdir.

[26] Seretdim, ine, Rebbiň
huzuryndan,
Onuň lowlaýan gazabyndan ýaňa
hasylly toprak çöle dönüpdir,
ähli şäherler weýran bolupdyr.
[27] Munuň üçin Reb şeýle diýýär: «Tutuş
ýurt haraba döner, ýöne Men onuň bü-
tinleý soňuna çykmaryn.
[28] Şonuň üçin ýurt ýas tutar, asman
garalar.
Men sözledim, Men karar etdim,
gaýtmyşym etmerin,
pikirimden dänmerin».
[29] Ähli şäheriň halky atlylaryň we ýaý-
çylaryň güpürdisinden gaçýar. Kimsi
jeňňele sümýär, kimsi gaýalara dyrmaş-
ýar. Şäherleriň ählisi terk edildi, olarda
hiç kim ýaşamaýar. [30] Eý, sen, weýran
bolan şäher! Sen gyrmyzy eşikler geý-
seň-de, altyn şaý-sepler dakynsaň-da,
gözüňe sürme çekseň-de, gazanan zadyň
bolmaz. Özüňi biderek ýere bezeýärsiň.
Oýnaşlaryň seni ýigrenýärler, olar seniň
janyňyň kastyna çykdylar. [31] Men burgu-
sy tutýan aýalyň sesini, ilkinji çagasyny
dogurýanyň iňňildisini, ellerini uzadyp:
«Waý halyma! Ganhorlaryň öňünde ja-
nym tapdan düşýär-le!» diýip, sojaýan
Sion gyzynyň [a] agysyny eşitdim.

## 5-nji bap

### *Hudaýyň tutuş halky bihaýalyk edýär*

[1] «Iýerusalimiň köçelerine aýlanyň,
daş-töweregiňizi synlaň, belläň!
Şäher meýdançalarynda agtaryň.
Eger adalaty berjaý edip,
hakykaty gözleýän bir adam
tapsaňyz,
onda Men bu şäheri bagyşlaýyn.
[2] „Rebden ant içýärin“ diýseler-de,
olar aslynda ýalan ýere ant
içýärler».
[3] Ýa Reb, Seniň nazaryň hakykata
dikilen dälmidir?
Olary urduň, emma olar agyry
duýmadylar.
Olary heläk etdiň, emma olar
ýüz öwürdiler dogry ýoldan.
Olar ýüzlerini gaýadan-da
gataldyp,
yzlaryna dolanmak islemediler.
[4] Men şeýle diýdim:
«Bular bir garyp hem akmaklar;
çünki olar Rebbiň ýoluny,
öz Hudaýynyň kanunyny
bilmeýär.
[5] Men atly-abraýly adamlaryň
ýanyna gidip,
olar bilen gepleşeýin. Olar
Rebbiň ýoluny,
öz Hudaýynyň kanunyny
bilýändirler».
Emma olaryň bary birmeňzeş
bolup,
boýuntyrygy döwdüler, ýüpleri
gyrdylar.
[6] Şonuň üçin olaryň ýazyklarynyň
sansyzdygy,
dönükliginiň çökderdigi üçin
tokaýdan arslan çykyp,
olary parçalar, çölden bir möjek
çykyp, olary heläklär.
Şäherleriniň gapdalynda bir
gaplaň bukuda ýatyp,
kim ol ýerden daşa çyksa,
bölek-bölek eder.
[7] «Mundan soň Men seni nädip
bagyşlaýyn?
Çagalaryň Meni terk etdiler,
olar hudaýlaryndan ant içdiler,
ýogsam olar Hudaýam däl.

[a] **4:31** ***Sion gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.

Olary doýranymda zyna etdiler,
toparlanyşyp, lolularyň öýlerine
gitdiler.
8 Olar esrän aýgyr atlar ýaly bolup,
hersi öz goňşusynyň aýalyna
kişňeýär.
9 Bu zatlar üçin Men olary jezasyz
galdyrarynmy?
Janym beýle milletden öç
almazmy?»
Muny Reb aýdýandyr.

10 «Üzümçiligiň içinden geçip, ony
weýran ediň,
emma bütinleý ýok etmäň.
Şahalaryny döwüp taşlaň,
olar Rebbe degişli däldir.
11 Ysraýyl we ýahuda halklary
Maňa bütinleý biwepalyk etdiler».
Muny Reb aýdýandyr.
12 «Olar Rebbiň aýdanyny ret edip,
şeýle diýdiler:
„Ol hiç zat etmez.
Bela-beter başymyzdan inmez,
biz uruş ýa-da açlyk görmeris.
13 Pygamberler şemal ýalydyr,
Rebbiň sözi olara aýan däldir.
Bu külpetler olaň öz başyndan
insin!“».
14 Munuň üçin Hökmürowan Beýik Hu-
daý şeýle diýýär:
«Şeýle sözleri aýdandyklary üçin,
sözlerimi agzyňda alawa
öwrerin.
Bu halky bolsa odun ederin,
ot olary ýandyryp ýok eder».
15 «Eý, ysraýyl halky, siziň üstüňize
uzak ýurtdan bir milleti
çozdurjak.
Ol güýçli hem gadymy milletdir.
Sen ol milletiň dilini bilmersiň,
näme aýdýanyna düşünmersiň.
Muny Reb aýdýandyr.
16 Olaryň sagdagy açyk gabyr
ýalydyr,
barysy batyr söweşijilerdir.
17 Olar siziň hasylyňyzy we
iýmitiňizi,
ogul-gyzlaryňyzy
ýuwudyp-ýalmarlar.
Goýunlaryňyzdyr sygyrlaryňyzy,
üzümleriňizdir injirleriňizi
iýerler.
Siziň bil baglaýan berk
galalaryňyzy
gylyç bilen weýran ederler.
18 Men hatda şol günlerde-de seni bütin-
leý ýok etmerin. Muny Reb aýdýandyr».
19 «Halk senden: „Näme üçin Hudaýy-
myz Reb bize bu zatlary etdi?“ diýip
sorasa, sen olara şeýle jogap ber: „Siz
Ony terk edip, ýurduňyzdaky keseki
hudaýlara gulluk etdiňiz. Indi siz hem
özüňize degişli bolmadyk bir ýurtda
kesekilere gulluk edersiňiz“.

20 Muny Ýakubyň nesline jar et,
ýahuda halkyna yglan et.
21 Eý, gözli bolup görmeýän,
gulakly bolup eşitmeýän
nadan hem düşünjesiz halk,
indi muňa gulak as:
22 Menden gorkmarsyňyzmy? Muny
Reb aýdýandyr.
Huzurymda titreşmersiňizmi?
Men çägäni deňze araçäk etdim,
bu ebedilik araçäk bolar, hiç
haçan bozulmaz.
Tolkunlar daşsa-da, üstün
çykmaz,
güwwüldese-de, ondan aşmaz».
23 Emma bu halk tekepbir we pitneçi.
Olar azdylar, ýoldan çykdylar.
24 Olar muny ýürekden diýmeýärler:
«Geliň, güýz hem ýaz ýagyşlaryny
öz möwsüminde ýagdyrýan,

biz üçin orak-ýygym
hepdelerini saklaýan
Hudaýymyz Rebden gorkalyň».
25 Etmişleriňiz bulary sizden
uzaklaşdyrdy,
günäleriňiz sizi ýagşylykdan
mahrum etdi.

26 «Meniň halkymyň arasynda erbet
adamlar bar.
Olar guş awlamak üçin, bukuda
ýatýanlar ýaly
duzak gurup, ynsanlary tutýarlar.
27 Guşlardan doly kapasa ýaly,
olaryň öýleri-de hileden doly.
Şeýdip, olar beýgeldiler, baýadylar,
28 semrediler, ýognadylar.
Hetden aşdy olaryň betpälligi,
çözmediler adalatly ýetimiň
dawasyny,
goramadylar garybyň hiç bir
hukugyny.
29 Bu zatlar üçin Men olary
jezalandyrmarynmy?
Munuň ýaly milletden, heý-de,
öç almarynmy?
Muny Reb aýdýandyr.
30 Ýurtda geň hem elhenç zat boldy:
31 pygamberler galp pygamberlik
edýärler,
ruhanylar olaryň görkezmesi
bilen dolandyrýarlar.
Meniň halkym bolsa muny
söýýär.
Emma bu zatlaryň soňy gelende
näme edersiňiz?»

## 6-njy bap

### *Duşmanlar Iýerusalimi gabaýarlar*

1 «Eý, benýamin halky, janyňyzy halas
etmek üçin
Iýerusalimden gaçyň!
Tekowada surnaý çalyň,
Beýthakeremde bir nyşan dikiň,
çünki demirgazykdan bir
betbagtlyk,
äpet weýrançylyk ýetip gelýär.
2 Sion gyzy – owadan hem näzik
gyzy heläk ederin.
3 Çopanlar sürüleri bilen onuň
ýanyna gelerler.
Çadyrlaryny onuň daş-
-töwereginde dikip,
her kim özüniň öri meýdanynda
otlar.
4 Iýerusalime garşy söweşmäge
taýýarlanyň.
Turuň, gündiziň güni çozalyň!
Işimiz gaýtdy!
Gün ýaşyp barýar,
öýlän kölegeler uzalýar!
5 Turuň, gije çozalyň,
galalaryny weýran edeliň!»
6 Munuň üçin Hökmürowan Reb
şeýle diýýär:
«Iýerusalimiň agaçlaryny kesiň,
diwaryna çykmak üçin ýapgyt
guruň.
Bu şäher jezalandyrylmalydyr,
munuň içinde zulumdan başga
zat ýokdur.
7 Çeşmeden suw nähili joşýan bolsa,
bu şäherden-de pislik şeýle
joşýandyr.
Içinde eşidilýär zorluk hem zulum,
hassalyk hem ýaralar bar
görýänim.
8 Eý, Iýerusalim, akylyňa aýlan,
ýogsam Men senden ýüz öwrerin.
Seni harabaçylyga,
ilatsyz bir ýurda öwrerin».

9 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Üzümiň soňky salkymynyň
ýygnalyşy ýaly,

Ysraýylyň aman galanlary hem
soňkusyna çenli ýygnalar.
Şonuň üçin üzüm ýygýançy deý
eliňi soňky gezek şaha uzat».

10 «Olar eşider ýaly men kime
aýdaýyn,
kime duýduryş bereýin?
Serediň, olaryň gulaklary gapyk,
eşitmeýärler.
Olar Rebbiň sözünden hoşal
bolmaýarlar,
gaýtam, ony ýaňsylaýarlar.
11 Munuň üçin men Rebbiň
gazabyndan doludyryn,
gaharymy saklamakdan halys
irdim».

«Ony köçedäki çagalaryň,
toplanan ýigitleriň üstüne dök.
Är-aýalyň ikisini-de tutup
äkiderler,
garrydyr goja-da olardan
sypmaz.
12 Olar öýleridir mellekleri bilen
aýallary berler başgalara,
Men elimi galdyraryn
bu ýurduň ilatyna».
Muny Reb aýdýandyr.
13 «Uludan-kiçä ählisi haram
gazanjyň yşkynda,
pygamberden ruhana çenli
her kes gün görýär hile bilen.
14 Sag-salamatlyk bolmasa hem
„sag-salamatlyk, sag-salamatlyk“
diýip,
halkymyň ýarasyny ýüzleý
bejerdiler.
15 Olar özlerini bihaýa alyp baryp,
nejis işler etdiler, emma muňa
utanmadylar.
Utanyp gyzarmagyň nämedigini
bilmediler.
Şonuň üçin olar-da heläk bolup,
ýykylanlaryň arasyna
ýykylarlar,
jezalandyranymda, ýer bilen
ýegsan bolarlar».
Muny Reb aýdýandyr.

16 Reb şeýle diýýär:
«Ýoluň çatrygynda durup
serediň,
owalky ýodalar hakda sorap,
ýagşy ýoluň nirededigini
öwreniň;
ondan ýöräň, janyňyz rahatlyk
tapar.
Emma olar: „Ol ýoldan
ýöremeris“ diýdiler.
17 Men siziň üstüňizden gözegçi
goýup:
„Surnaýyň sesine gulak asyň!“
diýdim.
Emma olar: „Gulak asmarys“
diýdiler.
18 Şonuň üçin hem, eý, milletler
gulak goýuň.
Olaryň başyndan näme injegini,
eý, şaýatlar biliň.
19 Diňle, eý, ýer ýüzi.
Bu halkyň başyndan betbagtlyk
indererin.
Bu olaryň eden niýetleriniň
miwesi bolar,
sebäbi Meniň sözlerime gulak
asmadylar,
taglymatymy bolsa ret etdiler.
20 Näme üçin Maňa Şebadan
ýakymly ysly tütetgi,
uzak ýurtdan hoşboý ysly
gamyş getirilýär?
Ýakma gurbanlyklaryňyzy kabul
etmerin,
sadakalaryňyz-da turmaýar
göwnümden».

21 Şonuň üçin hem Men-Reb şeýle
diýýärin:
«Ine, Men bu halkyň öňüne
büdreme daşyny goýaryn,
ata-eneler çagalary bilen büdräp
ýykylar,
goňşusy dosty bilen birlikde
heläk bolar».

22 Reb şeýle diýýär:
«Ine, demirgazyk ýurtdan bir
halk gelýär,
ýeriň ujundan bir beýik millet
aýaga galýar.
23 Olar ýaýdyr naýza bilen
ýaraglanan,
özleri-de rehimsiz hem
zalymdyrlar.
Sesleri deňiz ýaly güwwüldeýär.
Eý, Sion gyzy! Olar atlara
atlanyp,
bir adam ýaly söweşe taýýarlanyp,
seniň garşyňa nyzama
durdular».

24 «Olar hakdaky habary
eşidenimizde,
ellerimiziň ysgyny gaçdy.
Dogurýan aýal kimin
çekýäris dert-azaplary.
25 Daşary çykmaň, ýoldan ýöremäň,
çünki duşmanyň elinde
gylyç bar,
ähli tarapdan howp abanýar.
26 Eý, Meniň eziz halkym!
Jul geýnip, kül üstünde otur.
Ýalňyz çagaň üçin ýas tutýan dek
ajy gözýaş dök,
çünki üstümize duýdansyz
heläkleýji geler».

27 «Men seni halkymyň arasynda
barlagçy hem derňewçi goýdum,
eden işlerini barlarsyň,
derňärsiň.
28 Olaryň bary tekepbir
pitneçidirler,
gybatdyr töhmet bilen
ýaşaýarlar.
Ýüregi bürünç, demir deý gatap,
hemmesi ýoldan çykandyr.
29 Körük gyzdyrylýar, otda gurşun
ereýär,
emma zergäriň bu eden işi
puçdur,
şonda-da pislik hiç aýrylmaýar.
30 Olara „ýalan kümüş“ diýler,
çünki Reb olary ret etdi».

## 7-nji bap

### *Ýermeýa ybadathanada wagyz edýär*

1 Ýermeýa Rebbiň sözi aýan boldy:
2 «Rebbiň öýüniň derwezesinde du-
rup, şu sözi jar et: „Eý, Rebbe ybadat
etmek üçin, bu derwezelerden girýän
tutuş Ýahuda! Rebbiň sözüne gulak
as“. 3 Ysraýylyň Hudaýy, Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Ýollaryňyzy hem
işleriňizi düzediň, şonda Men sizi bu
ýerde ýaşadaryn. 4 ‘Bu Rebbiň ybadat-
hanasy! Rebbiň ybadathanasy! Rebbiň
ybadathanasy bu ýerde!’ diýen sözlere
bil baglamaň.
5 Eger ýollaryňyzdyr işleriňizi çyndan
düzetseňiz, biri-biriňize hakykatdan
hem adalatly garasaňyz, 6 gelmişege,
ýetim bilen dul hatyna zulum etmeseňiz,
bu ýerde nähak gan dökmeseňiz, özü-
ňize zyýan ýetirýän başga hudaýlaryň
yzyna düşmeseňiz, 7 onda Men sizi bu
ýerde, owaldan ata-babalaryňyza baky
hem ebedilik beren ýurdumda ýaşada-
ryn. 8 Ine, siz dereksiz ýalan sözlere bil
baglaýarsyňyz. 9 Siz ogurlyk edýärsiňiz,
adam öldürýärsiňiz, zyna edýärsiňiz,

ýalandan ant içýärsiňiz, Bagal butuna
sadaka hödür edýärsiňiz, tanamaýan
başga hudaýlaryňyzyň yzyna eýer-
ýärsiňiz. 10 Soňra şu nejis işleri etmek
üçin Meniň adym dakylan öýe gelip,
huzurymda durup, ‘Biz halas bolduk!’
diýýärsiňizmi? 11 Meniň adym dakylan
bu öý siziň üçin garakçylaryň sürenine
öwrüldimi? Emma Men näme edýäniňizi
görýärin. Muny Reb aýdýandyr. 12 Indi
Şilodaky ilkinji gezek adymy dakan ýe-
rime gidiň we ysraýyl halkymyň pisligi
üçin, oňa näme edendigimi görüň. 13 Bu
nejis zatlaryň ählisini etdiňiz; muny
Reb aýdýandyr. Men size öwran-öwran
aýdanymda gulak asmadyňyz, sizi ça-
gyranymda jogap bermediňiz. 14 Munuň
üçin Meniň adym dakylan, siziň bil
baglan bu öýüňizi – size we ata-baba-
laryňyza beren bu ýerimi Şilony nähili
ýok eden bolsam, şeýle ederin. 15 Ähli
garyndaşlaryňyzy, tutuş efraýym nesille-
rini kowşum ýaly, sizi hem huzurymdan
kowaryn“.

### *Halkyň boýnuýogynlygy*

16 Eý, Ýermeýa, sen bu halk üçin dileg
etme, olar üçin perýat etme, ýalbarma,
huzurymda olara töwellaçy bolma, ba-
rybir Men seni diňlemerin. 17 Ýahudanyň
galalarynda, Iýerusalimiň köçelerinde
olaryň näme edýändiklerini görme-
ýärsiňmi? 18 Çagalary odun ýygnaýar,
atalary ot ýakýar, aýallary hamyr ýugrup,
asman melikesi üçin köke bişirýär. Bu
halk başga hudaýlara içgi sadakasyny
hödürleýär. Bu zatlar Meniň gaharymy
getirýär. 19 Olar Meni ynjadýarlarmy?
Ýok, özlerini ynjadyp, utanja galýarlar.
Muny Men-Reb aýdýandyryn. 20 Mu-
nuň üçin Men – Hökmürowan Reb
şeýle diýýärin: „Ine, Men gahar-gaza-
bymy bu ýeriň, ynsandyr haýwanlaryň,
meýdandaky agaçlaryň, topragyň hasy-
lynyň üstüne dökerin. Ol ot bolup tutaşar
we söndürilmez“.

21 Ysraýylyň Hudaýy, Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Ýakma gurbanly-
gyňyzy beýleki sadakalaryňyza goşup,
ikisiniň hem etini iýiberiň. 22 Çünki Men
ata-babalaryňyzy Müsürden çykaryp
getirenimde, olara ýakma gurbanlygy
bilen beýleki gurbanlyklar hakda hiç
zat aýtmandym ýa-da buýruk bermän-
dim. 23 Olara diňe şu buýrugy beripdim:
‘Maňa gulak asyň. Men siziň Hudaýy-
ňyz, siz hem Meniň halkymsyňyz. Diňe
Meniň görkezen ýolumdan ýöräň, şonda
gowy günler görersiňiz’. 24 Emma olar
diňlemediler, gulak asmadylar, gaýtam,
kesirlik bilen öz ýaman niýetlerine ko-
walaşyp, pis ýüreklerine görä hereket
etdiler. Ilerlemegiň deregine gaýra tes-
diler. 25 Ata-babalaryňyzyň Müsürden
çykan gününden tä şu güne çenli Men
siziň ýanyňyza gullarym bolan pygam-
berlerimiň ählisini her gün yzly-yzyna
iberdim. 26 Emma halk Meni diňlemedi,
Maňa gulak asmady, gaýtam boýnu-
ýogynlyk edip, ata-babalaryndan hem
beter pislik etdi“.

27 Sen olara şu sözleriň baryny aýdar-
syň, emma olar seni-de diňlemezler.
Sen olary çagyrarsyň, emma olar jogap
bermezler. 28 Munuň üçin sen olara şeýle
diý: „Bu özleriniň Hudaýy Rebbe gulak
asmaýan, dogry ýola gelmeýän milletdir.
Hiç kim hakykaty aýtmaýar, ol hakda
dil hem ýarmaýar.

29 Eý, ýahuda halky, saçyňy syr-da,
ýalaňaç gaýalarda agy aýt. Çünki Reb ga-
zabyny üstüne döken bu neslini terk edip,
ony taşlady. 30 Ýahuda halky Meniň naza-
rymda erbet işleri etdi, muny Men – Reb
aýdýandyryn. Olar Meniň adym dakylan
öýde nejis zatlaryny goýup, ony murdar

etdiler. 31 Ogul-gyzlaryny oda ýakyp, gur-
banlyk etmek üçin, Benhinnom deresinde
Topet sežděgählerini gurdular. Beýle
işi Men olara buýurmadym, beýtmek
kelläme-de gelmedi. 32 Şonuň üçin hem
şeýle günler geler, muny Reb aýdýandyr,
ol ýere Topet ýa-da Benhinnom deresi
diýilmän, Ölüm jülgesi diýler. Topetde
ölüleri jaýlamak üçin ýer galmaz. 33 Bu
halkyň jesetleri guşlara we ýyrtyjy haý-
wanlara şam bolar, olary hiç kim kowmaz.
34 Ýurduň harabaçylyga öwrülendigi üçin,
Ýahudanyň şäherlerinde, Iýerusalimiň
köçelerinde şatlykdyr gülki sesini, ýigit
bilen gelniň toý sesini keserin“».

### 8-nji bap

1 «Şol wagt Ýahuda patyşalarynyň,
ýolbaşçylarynyň, ruhanylarynyň, py-
gamberleriniň süňkleri, Iýerusalimiň
ilatynyň süňkleri gabyrlaryndan çyka-
rylar. Muny Reb aýdýandyr. 2 Bu süňkler
olaryň öz söýen, gulluk eden, yzlaryna
eýeren, maslahat sorap sežde eden zatla-
rynyň, ýagny Günüň, Aýyň, tutuş asman
jisimleriniň astyna serler. Olar ýygnalyp
jaýlanylmaz, topragyň ýüzünde ders
ýaly ýatar. 3 Bu pis kowumdan aman
galanlaryň hemmesi dargadan ýerlerim-
de ýaşaýşy däl-de, ölümi saýlar». Muny
Hökmürowan Reb aýdýandyr.

### *Halkda utanç ýok*

4 Sen olara Reb şeýle diýýär diý:
«Ýykylan ynsan galmazmy gaýdyp?
Ýolundan azaşanlar gelmezmi
ýola?
5 Näme üçin bu halk ýoldan çykdy?
Iýerusalim dyngysyz dönüklik
edýär.
Olar ýalana berk ýapyşyp,
yza dolanmakdan boýun towlaýar.
6 Men üns berip diňledim,
dogrusyny aýtmaýar olar.
Hijisi: „Bu edenim näme?“ diýip,
öz pisligine toba etmeýär.
Söweşde çapýan at kimin
hersi öz ýoluna ýortýar.
7 Hatda leglek hem öz möwsümini
bilýär.
Gumry, garlawaç, durna-da
göçmeli pursadyny bilýär.
Emma halkym Men-Rebbiň
parzlaryny bilmeýär.
8 Nädip siz muny aýdyp bilýäňiz:
„Biz akylly, Rebbiň kanuny
bizdedir“?
Hakykatda, bu kanuny ýalana
öwren
hilegär kanunçylaryň galamydyr.
9 Akyldarlar utanja galdylar,
howp içinde duzaga düşdüler.
Olar Rebbiň sözüni ret etdiler.
Olarda näme pähim bar?
10 Uludan-kiçä ählisi
haram gazanjyň yşkynda,
pygamberden ruhana çenli
her kes hile bilen gün görýär.
Şonuň üçin aýallaryny başgalara,
melleklerini talaňçylara bererin.
11 Sag-salamatlyk bolmasa hem
„sag-salamatlyk, sag-salamatlyk“
diýip,
halkymyň ýarasyny ýüzleý
bejerdiler.
12 Nejis işleri edenlerinde
utandylarmy?
Ýok, asla utanmadylar.
Ýüz gyzarmanyň nämedigini hem
bilmediler.
Şonuň üçin hem olar-da heläk
bolup,
ýykylanlaryň arasyna ýykylarlar,
jezalandyranymda ýer bilen
ýegsan bolarlar.
Muny Reb aýdýandyr.

13 Olaň hasylyny wes-weýran
ederin,
üzüm şahalary-da,
injir agajy-da miwe bermez,
hatda ýapraklary-da gurar.
Olara näme beren bolsam,
ellerinden alnar».
Muny Reb aýdýandyr.

14 Näme üçin biz entek hem bu
ýerde otyrys?
Geliň, üýşüp, berk galalara
çozalyň-da,
ol ýerde heläk bolalyň.
Rebbe garşy günä edendigimiz
üçin,
Hudaýymyz Reb zäherli suw
berip,
bizi ölüme sezewar etdi.
15 Sag-salamatlyga garaşdyk,
emma hiç gowulyk ýok.
Şypa pursadyna garaşdyk,
emma oňa derek howp abandy.
16 Duşman atlarynyň horruldysy
Dandan eşidilýär,
bedewleriniň kişňemesinden
tutuş ýer ýüzi titreýär.
Olar bu ýurdy, onuň içindäki ähli
zatlary,
şäheri hem onda ýaşaýanlary
ýok etmäge geldiler.

17 «Ine, Men üstüňize zäherli
ýylanlary,
alahöwrenleri ibererin,
olar sizi çakarlar».
Muny Reb aýdýandyr.

***Pygamber halk üçin ýas tutýar***

18 Derdime şypa ýokdur,
ýüregim ýaralydyr meniň.
19 Ine, eziz halkymyň perýady
ýeriň aňry ujundan eşidilýär:
«Reb Sionda dälmidir?
Onuň Patyşasy ol ýerde dälmi?»

«Näme üçin olar özleriniň
ýigrenji zatlary,
özge nejislikleri bilen gaharymy
getirdiler?»

20 Halk: «Orak döwri ötdi, tomus
gutardy,
emma biz halas bolmadyk»
diýýär.
21 Biçäre halkymyň ýarasyndan ötri
men-de ýaraly,
ýas tutýaryn, üstüme howp
abandy.
22 Gilgatda melhem ýokmudyr?
Ol ýerde tebip ýokmudyr?
Onda näme üçin biçäre
halkymyň
ýarasyna em edilmeýär?

**9-njy bap**

1 Wah, käşge başym bir bulak,
gözlerim gözýaş çeşmesi
bolsady!
Biçäre halkymyň öldürilenleri
üçin
aglasadym men gije-gündiz!
2 Käşge halkymy taşlap,
olardan uzakda bolarym ýaly
çölde bir kerwensaraý tapsadym!
Çünki olaryň hemmesi
zynahor, birtopar haýyn.
3 «Ýalan üçin dillerini ýaý kimin
egreldýärler.
Ýurtda olaryň güýji nädogrulyk
bilen güýçlenýär,
çünki pislik üstüne pislik
edýärler,
Meni asla tanamaýarlar».
Muny Reb aýdýandyr.

[4] Her kes öz dostundan ägä bolsun,
hiç bir dogana ynam etmäň.
Çünki her bir dogan ýalançydyr,
her bir dost ýalan gep gezdirýär.
[5] Her kim öz dostuny aldaýar,
hiç kim hakykaty sözlemeýär.
Dillerine ýalan sözlemegi
öwretdiler,
şer işler edip, toba etmegi
bilmediler.
[6] Zulum üstüne zulum, ýalan
üstüne ýalan ýagýar!
Olar Meni tanamakdan ýüz
öwürýärler.
Muny Reb aýdýandyr.
[7] Munuň üçin Hökmürowan Reb
şeýle diýýär:
«Men olary eredip, synagdan
geçirerin.
Biçäre halkymy başga näme
edip bilerin?
[8] Dilleri öldüriji peýkamdyr,
hile bilen sözleýärler.
Goňşularyna hoş sözler aýdýarlar,
ýüreginde bolsa duzak
gurýarlar.
[9] Bu zatlar üçin Men olary, heý-de,
jezalandyrmarynmy?
Beýle milletden öç
almarynmy?»
Muny Reb aýdýandyr.
[10] Men daglar üçin aglaýaryn, ahy-
-nala çekýärin,
çölüň örüleri üçin ýas tutýaryn,
sebäbi olar harabalyga öwrüldi,
ol ýerden geçýän ýok.
Mal-garalaryň sesi eşidilmeýär,
guşlar-da, haýwanlar-da gaçyp
gitdiler.
[11] Men Iýerusalimi weýran edip,
şagallar sürenine öwrerin.
Ýahuda şäherlerini ilatsyz goýup,
harabaçylyga öwrerin.

[12] Muňa düşüner ýaly paýhasly biri
barmydyr? Muny yglan eder ýaly Reb-
biň sözlän kişisi kim? Näme üçin ýurt
weýran bolup, içinden hiç kim geçmez
ýaly, çöl kimin boşap ýatyr? [13] Reb şeýle
diýýär: «Olar özlerine beren kanunymy
ret etdiler, sözüme gulak asmadylar, ol
boýunça hereket etmediler. [14] Gaýtam,
kesirlik bilen niýetlerini ýamana düwüp,
ata-babalarynyň öwredişi ýaly, Bagal
butunyň yzyna eýerdiler». [15] Şonuň üçin
hem Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Men bu halka ajy ýowşan
iýdirerin, zäherli suw içirerin. [16] Men
olary özleriniň hem, ata-babalarynyň
hem tanamadyk milletiniň arasyna pyt-
radaryn. Olary ýok edýänçäm, yzlaryna
gylyç salaryn».

### *Halk jezasy üçin ýas tutýar*

[17] Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ýagşy oýlanyp görüň, agyçy
aýallary çagyryň, gelsinler.
Iň ezberlerini çagyrdyň,
gelsinler.
[18] Derrew gelip, biziň üçin agy
aýtsynlar.
Goý, gözlerimiziň ýaşy
kepemesin,
gabaklarymyzdan sil bolup
aksyn».
[19] Ine, Siondan perýat eşidilýär:
«Bizi, gör, nähili weýran etdiler!
Gaty utanja galdyk,
çünki ýurdumyzy terk etdik,
öýlerimiz ýer bilen ýegsan
boldy».
[20] Eý, aýallar, Rebbiň sözüni eşidiň,
agzyndan çykýan söze gulak
asyň.
Gyzlaryňyza ýas tutmagy,
goňşyňyza agy aýtmagy
öwrediň.

21 Köçelerden çagalary,
meýdançalardan ýaş ýigitleri
gyryp taşlamak üçin,
ölüm penjirelerimize dyrmaşyp,
galalarymyza girdi.
22 Reb şeýle aýdýar diý:
«Ynsan jesetleri ekin
meýdanyna sepilen ders deý,
orakçynyň yzyndaky desseler deý
topraga serler.
Olary hiç kim ýygnamaz».
23 Reb şeýle diýýär: «Paýhasly paýha-
syna, güýçli güýjüne magtanmasyn,
baý baýlygyna öwünmesin. 24 Öwünýän
diňe Maňa düşünýänligi we tanaýanly-
gy bilen öwünsin, ýer ýüzünde sadyk
söýgi, adalat we dogruçyllyk bilen he-
reket edýän Men – Rebdirin. Çünki
Men bulardan lezzet alýaryn. Muny
Reb aýdýandyr. 25 Şeýle günler geler,
teni sünnetli bolup-da, ýüregi sünnetsiz
adamlary jezalandyraryn. Muny Reb
aýdýandyr. 26 Müsüri, Ýahudany, Edomy,
ammonlary, Mowaby we çölde ýaşa-
ýan gyrçuw sakgallylaryň hemmesini
jezalandyraryn. Çünki bu milletleriň
ählisi sünnetsiz, tutuş ysraýyl halkynyň
ýüregi-de sünnetsiz».

## 10-njy bap

***Butlardan gorkmaň!***

1 Eý, ysraýyl halky, Rebbiň size aýd-
ýan sözüni diňläň. 2 Reb şeýle diýýär:
«Gögüň alamatlaryndan gorkmaň,
olardan diňe milletler
gorkýandyr.
Milletleriň ýolundan görelde
almaň.
3 Halklaryň däp-dessurlary boşdur,
tokaýdan kesilen agaja
ussanyň guraly şekil berýär.
4 Ony altyn-kümüş bilen bezäp,
gymyldamaz ýaly,
çekiç bilen çüýläp berkidýärler.
5 Olaryň butlary ekin garantgasy
ýaly,
gepläp bilýän däldirler.
Ýöräp bilmeýändikleri üçin
olary göterip äkitmelidir.
Olardan gorkmaň:
Çünki olar ne ýamanlyk ederler,
ne-de ýagşylyk».
6 Saňa meňzeş ýokdur, ýa Reb.
Sen beýiksiň, gudratda adyň
beýikdir.
7 Senden gorkmajak barmy, eý,
milletler Şasy?!
Çünki bu diňe Saňa
ýaraşýandyr.
Milletleriň ähli akyldarlarynyň,
bar patyşalyklarynyň arasynda
Seniň ýalysy ýokdur.
8 Olaryň bary akmak hem
akylsyzdyr.
Biderek butlardan tälim alýarlar,
olar guran agaçdan ýasalandyr!
9 Tarşyşdan – ýenjilen kümüş,
Upazdan altyn getirilýär.
Ussanyň hem zergäriň hünäridir
butlar,
gök hem gyrmyzy eşik
geýdirerler olara,
barysy hem ökde
hünärmentleriň işidir.
10 Emma Reb hakyky Hudaýdyr,
Ol diri Hudaý hem baky
Patyşadyr.
Onuň gaharyndan titreýär tutuş
ýer,
gazabyna garşy durup bilmez
milletler.

11 «Olara şeýle diý: „Gögi hem ýeri ýa-
ratmadyk hudaýlar ýer ýüzünden we
gögüň astyndan ýok bolarlar“».

12 Ýeri Öz gudraty bilen ýaradan
Rebdir.
Ol paýhasy bilen dünýäni
berkarar etdi,
akyly bilen gökleri ýaýdy.
13 Ol gürlände, şaglaýar gökdäki
suwlar,
göterilýär ýeriň uçlaryndan
bulutlar.
Ýagyş üçin ýyldyrymlar
çakdyrýar,
ammarlaryndan şemal
öwüsdirýär.
14 Her bir adam akmak hem
nadandyr,
her zergär ýasan butlaryndan
uýada galar,
olar ýasalandyr, olarda jan
ýokdur.
15 Bular biderekdir, masgarabazlaň
işidir;
jezalandyranymda olar ýok
bolarlar.
16 Emma Ýakubyň paýy beýle däldir,
çünki ähli zatlary ýaradan
Hudaýdyr,
Ysraýyl tiresi Onuň mirasydyr,
Onuň ady Hökmürowan Rebdir.

### *Betbagtlyk gelýär*

17 Eý, gabawda oturanlar,
şaýyňyzy tutuň!
18 Çünki Reb şeýle diýýär:
«Ine, bu gezek Men bu ýurduň
ilatyny
uzaklara taşlaryn.
Görsünler diýip,
üstlerine bela indererin».
19 Çekýän hasratymdan ýaňa dat
günüme!
Ýaram agyr, emma men:
«Dogrudanam, bu meniň derdim,
muny çekmegim gerek» diýdim.
20 Çadyrym ýykyldy, üzüldi ähli
tanaplary.
Çagalarym taşlap gitdiler meni,
ýok olar indi.
Çadyrymy täzeden dikmäge,
hiç kim ýok perdelerimi asmaga.
21 Çünki azaşdylar çopanlar
akylyndan,
Rebbi agtarmadylar.
Şonuň üçin bolmady ugruna işleri,
dargady ähli sürüleri.
22 Diňläň, bir habar gelýär!
Ýahuda şäherlerini harabalyga,
şagallar sürenine öwürmek üçin
demirgazyk ýurtdan uly
gopgun gelýär.
23 Ýa Reb, men ynsanyň ýolunyň öz
elinde däldigini,
dogry ädim basmagyň
ygtyýarynda däldigini
bilýärin.
24 Gazabyň bilen däl-de, adalatyň
bilen,
ýa Reb, meni terbiýele!
Ýogsam meni hiç edersiň.
25 Gazabyňy dök Seni tanamaýan
milletleriň,
adyňy çagyrmaýan halklaryň
üstünden.
Çünki olar Ýakubyň neslini
ýalmadylar,
ony ýuwudyp, ýok etdiler,
mekanyny weýran etdiler.

## 11-nji bap

### *Ysraýyl we ýahuda halky ähti bozýar*

1 Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Bu ähtiň şertlerine gulak goý. Ýahuda
halky bilen Iýerusalim ilatyna beýan et.
3 Olara Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär
diý: „Bu ähtiň şertlerine gulak asmadyk

adama nälet bolsun! 4 Men ata-babala-
ryňyzy Müsürden – demir ojagyndan
çykaran günüm olara şeýle buýruk ber-
dim: ‘Meniň sözüme gulak asyp, Meniň
buýran ähli tabşyryklarymy ýerine ýeti-
riň. Şonda siz Meniň halkym, Men hem
siziň Hudaýyňyz bolaryn. 5 Şeýtseňiz,
Men ata-babalaryňyza süýt we bal akýan
ýurdy bermegi ant içip, beren sözü-
mi ýerine ýetirerin’. Ine, görşüňiz ýaly,
ony size berdim“». Onsoň men: «Goý,
şeýle bolsun, ýa Reb!» diýip jogap ber-
dim. 6 Reb maňa bu sözleriň hemmesini
Ýahudanyň şäherlerinde, Iýerusalimiň
köçelerinde jar et-de, şuny aýt diýdi: «Bu
ähtiň sözlerine gulak asyň, olary berjaý
ediň. 7 Çünki Men siziň ata-babalary-
ňyzy Müsürden çykaran günümden tä
şu güne çenli dyngysyz „Sözüme gulak
asyň“ diýip, berk duýduryş berip geldim.
8 Emma olar diňlemediler, gulak asma-
dylar, gaýtam, kesirlik bilen öz ýaman
niýetlerine eýerip, hersi özüçe hereket
etdi. Munuň üçin Men bu ähtiň ähli söz-
lerini olaryň başlaryndan inderdim. Men
olara bulary berjaý etmegi buýrupdym,
emma olar etmediler».

9 Reb maňa şeýle diýdi: «Ýahuda halky
bilen Iýerusalimiň ilatynyň arasyndaky
dildüwşügiň üsti açyldy. 10 Olar ýene-de
sözlerime gulak asmak islemedik ata-ba-
balarynyň etmişlerine tarap dolandylar.
Başga hudaýlaryň yzyna düşüp, olara
gulluk etdiler. Ysraýyl we ýahuda hal-
ky özleriniň ata-babalary bilen eden
ähtimi bozdular. 11 Şonuň üçin hem Reb
şeýle diýýär: „Men olaryň başyndan
bela indererin, olar gaçyp, gutulyp bil-
mezler. Olar Maňa dady-perýat ederler,
emma Men olary diňlemerin. 12 Onsoň
Iýerusalimiň we Ýahuda şäherleriniň
ilaty gidip, özleriniň sadaka beren hu-
daýlaryna dady-perýat ederler, emma
betbagtlyk gelende, bu hudaýlar olary
asla halas etmez. 13 Çünki hudaýlaryň
sany şäherleriň sany bilen deňdir, eý,
Ýahuda! Siz Iýerusalimiň köçeleriniň
sanyna görä utançly zatlar üçin gurbanlyk
sypalaryny, Bagal butuna gurbanlyklar
hödür etmek üçin gurbanlyk sypalaryny
gurduňyz. 14 Eý, Ýermeýa, sen-de bu halk
üçin dileg etme, olar üçin dady-perýat et-
me, ýalbarma, çünki betbagtçylyga uçrap,
Meni çagyranlarynda, olary diňlemerin.
15 Köp pis işler edeninden soň, söýgüli
halkymyň Meniň öýümde näme işi bar-
ka? Hatda Rebbe bagyş edilen et kömek
etmez. Siz pislik etmekde şatlanýarsyňyz.
16 Reb saňa ‘Miwesi datly, ýaşyl ýaprakly
zeýtun agajy’ diýip at berdi. Emma güýçli
galmagally gopgun bilen ony oda berer,
onuň şahalary ýanyp kül bolar. 17 Ysraýyl
bilen ýahuda halky pislik etdi, olar Bagal
butuna sadakalar hödür edip, Meniň ga-
harymy getirdiler. Şonuň üçin seni ekip
oturdan Men Hökmürowan Reb başyň-
dan betbagtlyk indermegi karar etdim“».

### *Halk Ýermeýa garşy hile guraýar*

18 Şol wagt Reb halkyň eden pislikle-
rini maňa görkezdi.

Ol muny maňa äşgär etdi.
Ýa Reb, olaryň eden işlerini
maňa aýan etdiň.
19 Men bolsam damagy çalynmaga
äkidilen
ýuwaş bir guzy kimindim.
Olaryň: «Geliň, agajy miwesi
bilen ýok edeliň,
mundan beýläk onuň ady
ýatlanmaz ýaly,
ony dirileriň ýurdundan kesip
taşlalyň» diýip,
meniň garşyma hile
gurýandyklaryny bilmedim.
20 Emma, eý, adalatly höküm edýän,

ýürekleri we pikirleri synaýan
Hökmürowan Reb!
Dawamy Saňa aýan edýärin,
olardan aljak öjüňi göreýin!
21 Şonuň üçin hem seniň janyňyň kastyna
çykyp: «Sen Rebbiň adyndan pygamber-
lik etmeli dälsiň, ýogsam biziň elimizden
ölersiň» diýýän anatot halky hakynda
Hökmürowan Reb şeýle diýýändir. 22 Ha-
wa, Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Men olary jezalandyraryn. Olaryň ýaş
ýigitleri gylyçdan geçiriler, oguldyr-gyz-
lary açlykdan ölerler. 23 Olardan aman
galany bolmaz. Çünki wagty gelende,
Men anatot halkynyň başyndan bet-
bagtlyk indererin».

## 12-nji bap

### *Ýermeýa Rebbe nalyş edýär*

1 Ýa Reb, Seniň bilen dawalaşsam,
Sen hemişe hakly çykýarsyň.
Emma ýene-de adalat barada
Seniň bilen gürleşmek isleýärin.
Näme üçin erbetleň ýoly
rowaçlanýar?
Näme üçin haýynlar asuda
ýaşaýar?
2 Olary Sen oturtdyň, kök urdular.
Ösüp-ulalyp, miwe berdiler.
Seniň adyň dillerinden düşmeýär,
emma ýürekleri Senden uzakdyr.
3 Meni bolsa, ýa Reb, Sen
tanaýarsyň,
meni görýärsiň, Özüň hakdaky
pikirlerimi synaýarsyň.
Olary soýulmaly goýun kimin
çykar-da,
soýuljak güni üçin taýýarla.
4 Haçana çenli ýurt ýas tutup,
otlar saralyp solar?
Ol ýerde ýaşaýanlaň pis
işlerinden ýaňa
haýwanlar bilen guşlar ýitip
gitdiler.
Çünki bu halk diýýär:
«Ol bize näme boljagyny
görmeýär».

### *Reb Ýermeýa jogap berýär*

5 Eý, Ýermeýa, pyýadalar bilen ylgap
ýadaýan bolsaň,
onda atlylar bilen nädip ýaryşjak?
Eger howpsuz ýurtda büdreýän
bolsaň,
onda Iordan jeňňelinden nädip
çykjak?
6 Saňa hatda dogan-garyndaşlaryň,
öz maşgalaň-da haýynlyk etdi.
Ýeňsäňden seslerine bat berdiler.
Ýüzüňe ýagşy sözler aýtsalar-da,
ynanmaweri sen olara.
7 Men halkymy terk etdim,
mirasymy taşladym,
jandan söýýän halkymy
duşmanlarynyň eline berdim.
8 Mirasym Meniň üçin
tokaýdaky arslan kimin boldy.
Maňa tarap nagra çekdi,
şonuň üçin Men ony
ýigrenýärin.
9 Mirasym nazarymda gyrgy deý
boldumy?
Her tarapdan wagşy guşlar
üstüne çozdy.
Gidiň-de, ähli ýabany haýwanlary
toplaň,
goý, olar mirasymy
ýuwudyp-ýalmasynlar.
10 Köp çopanlar üzüm bagymy
weýran etdiler,
ekin meýdanymy depeläp
tozdurdylar,
ajaýyp mellegimi takyr çöle
öwürdiler.
11 Ony harabaçylyga dönderdiler,

haraba içinde huzurymda
aglaýar.
Tutuş ýurt weýran boldy,
emma hiç kimiň piňine-de däl.
12 Çöldäki ähli depelere
talaňçylar geldiler.
Çünki ýurduň bir çetinden
beýlekisine çenli
Rebbiň gylyjy heläk eder, hiç
kim aman galmaz.
13 Olar bugdaý ekip, tiken ordular,
gara zähmet çekip, haýyr
görmediler.
Rebbiň gahar-gazabyndan ýaňa
alan hasyllaryna utansynlar.
14 «Ysraýyl halkym üçin beren mül-
küme el uran ähli erbet goňşularymy
ýurtlaryndan sogrup taşlaryn. Ýahuda
halkyny-da olaryň arasyndan sogrup
taşlaryn. Muny Reb aýdýandyr. 15 Hem-
mesini sogrup taşlanymdan soň, olara
ýene ýüregim awar. Olaryň her birini
öz mülküne, öz topragyna gaýtaryp
getirerin. 16 Halkyma Bagalyň adyndan
ant içmegi öwredişleri ýaly, özleri-de
halkymyň ýollaryny yhlas bilen öwre-
nip: „Rebden ant içýärin“ diýip, Meniň
adymdan ant içmegi öwrenseler, onda
olar-da halkymyň arasynda ornaşarlar.
17 Emma gulak asmadyk her bir milleti
köki bilen bütinleý gopary taşlaryn
we ýok ederin».

## 13-nji bap

### *Zygyr matadan tikilen guşak*

1 Reb maňa: «Git-de, özüňe nepis zy-
gyr matadan tikilen guşak satyn alyp,
ony biliňe guşa, ýöne ony suwa batyr-
ma» diýdi. 2 Şeýlelikde, men Rebbiň
sözi boýunça bir guşak satyn alyp, ony
bilime guşadym. 3 Maňa ýene Rebbiň
şu sözi aýan boldy: 4 «Biliňdäki satyn
alan guşagyňy al-da, Ýewfrat obasyna
git. Ony ol ýerde bir gaýanyň jaýrygyn-
da gizle». 5 Rebbiň buýrugy boýunça
men gidip, guşagy Ýewfrat obasynda
gizledim. 6 Köp gün geçenden soň, Reb
maňa: «Tur, Ýewfrat obasyna git-de,
gizlemegi buýran guşagymy al» diýdi.
7 Onsoň men Ýewfrat obasyna gitdim,
gizlän ýerimden gazyp, guşagy aldym.
Emma guşak çüýräp zaýalanan eken. Ol
hiç zada ýarajak däldi. 8 Maňa Rebbiň
şu sözi aýan boldy: 9 «Reb şeýle diý-
ýär: „Men Ýahudanyň tekepbirligini
we Iýerusalimiň aşa gedemligini hut
şonuň ýaly edip çüýrederin. 10 Bu pis
halk kesirlik bilen öz isleglerine kowa-
laşyp, sözüme gulak asmak islemeýär.
Olar başga hudaýlaryň yzyna düşüp,
olara gulluk we sežde edýärler. Şonuň
üçin olar hem hiç derde ýaramaýan şu
guşak ýaly bolarlar. 11 Guşak ynsanyň
biline nähili ýapyşýan bolsa, Men hem
tutuş ysraýyl we ýahuda halklaryny
Özüme şeýle ýapyşdyraryn. Olaryň
Maňa at-abraý, öwgi we şöhrat getirjek
Öz halkym bolmagyny isledim, em-
ma olar gulak asmadylar. Muny Reb
aýdýandyr“.

### *Şeraply küýze*

12 Olara şu sözi ýetir, Ysraýyl Hudaýy
Reb: „Ähli küýzeler şerapdan dolar“
diýýär diý. Olar saňa: „Ähli küýzäniň
şerapdan doljagyny biz näme bilýän
däldiris öýdýäňmi?“ diýerler. 13 Şonda
olara Reb şeýle diýýär diý: „Bu ýurtda
ýaşaýanlaryň ählisini: Dawudyň tag-
tynda oturan patyşalary, ruhanylary,
pygamberleri, Iýerusalimiň tutuş ilatyny
serhoş bolýançalar şerapdan doýraryn.
14 Men olary ata-eneleri we çagalary
bilen birlikde biri-birini gyrlyşdyraryn.
Olary ýok edenimde, gözüm gaýgyrmaz,

haýpym gelmez, ýüregim awamaz. Muny Reb aýdýandyr“.

### *Iýerusalim jezalandyrylar*

15 Eşidiň, gulak goýuň, tekepbirlik etmäň,
çünki Reb gepleýär.
16 Garaňkylyk düşürmezden öň,
zulmat daglarynda
aýaklaryňyzy büdretmezden öň,
Hudaýyňyz Rebbi
şöhratlandyryň.
Siz yşyga garaşýarsyňyz,
emma Reb ony ölüm kölegesine
öwrüp,
tüm garaňkylyga gaplar.
17 Emma siz muňa gulak asmasaňyz,
tekepbirligiňiz üçin gizlinlikde
aglaryn;
Rebbiň sürüsiniň ýesir edilendigi
üçin,
gözlerimiň ýaşy dökülip, sil
bolup akar.
18 Patyşa bilen onuň ejesine aýt:
„Tagtyňyzdan düşüp, aşakda
oturyň,
çünki şöhrat täjiňiz başyňyzdan
aýryldy“.
19 Negebiň şäherleri ýapyldy,
olary açjak ýokdur.
Bütin Ýahuda sürgün edildi,
tutuşlygyna sürgün edildi.
20 Başyňyzy galdyryp,
demirgazykdan gelýänleri
görüň.
Saňa berlen süri,
ajaýyp süriň nirede?
21 Ýolbaşçy edip ýetişdiren
adamlaryňy
Reb özüňe hojaýyn etse, näme
diýersiň?
Dogurýan aýalyň burgusy ýaly
seni-de sanjy tutmazmy?
22 Eger içiňden: „Näme üçin bu
zatlar
meniň başyma düşdükä?“
diýýän bolsaň,
bu etmişleriňiň köplügi sebäpli
etegiň açyldy we namysyňa
degildi.
23 Efiopiýaly öz teniniň reňkini,
gaplaň meneklerini üýtgedip
bilermi?
Siz hem şonuň ýaly şer işleriňize
uýgunlaşansyňyz
ýagşylyk etmegi asla
bilmeýärsiňiz.
24 Men olary çöl ýeli bilen
sowrulýan
saman külkesi kimin dargadaryn.
25 Seniň nesibäň, saňa ölçäp beren
paýym budur.
Muny Men – Reb aýdýandyryn,
çünki sen Meni unutdyň,
ýalana bil bagladyň.
26 Men-de uýat ýeriň açylsyn diýip,
etegiňi ýüzüňe çenli galdyraryn.
27 Meýdanda we depeleriň üstünde
seniň eden nejis işleriňi:
zynahorlygyňy,
esräp kişňeýşiňi, haýasyz
loluçylygyňy gördüm.
Dat günüňe, eý, Iýerusalim!
Tämizlenmegiň üçin,
ýene näçe wagt gerek saňa?!»

## 14-nji bap

### *Gurakçylyk we gylyç*

1 Gurakçylyk barada Ýermeýa Rebbiň
şu sözi aýan boldy:
2 «Ýahuda ýas tutýar,
onuň şäherleri perýat edýär.
Halky hasratdan ýaňa ýere çökdi,
Iýerusalimiň perýady barha
güýjeýär.

3 Han-begleri hyzmatkärlerini
suw getirmäge iberýärler.
Olar guýa gelip, suw tapmaýarlar,
yzlaryna boş küýzeli
dolanýarlar.
Olar aljyraňňylyga düşüp,
utanç içinde başlaryny
büreýärler.
4 Ýurtda ýagyş ýagmansoň,
toprak çat açdy.
Muňa daýhanlar utanyp,
başlaryny büreýärler.
5 Hatda çöldäki keýik hem
iýmäge ot bolmansoň,
taşlaýar ýaňy guzlan owlagyny.
6 Gulanlar ýalaňaç gaýalarda durup,
edil şagallar ýaly haşlap dem
alýarlar.
Otly ýaýla bolmansoň,
öçdi olaryň gözleriniň nury».
7 Etmişlerimiz bize garşy şaýatlyk
etse-de,
Öz adyňyň hatyrasyna bir zat
edäý, ýa Reb!
Biziň dönükligimiz çökderdir
juda,
çünki biz Saňa garşy etdik günä.
8 Eý, Ysraýylyň Umydy,
hasratly wagtyndaky Halasgäri!
Neçün bolýaň bu ýurtda gelmişek
ýaly,
gijäni geçirmek üçin düşlän
ötegçi ýaly?
9 Neçün Sen çaşan adam ýaly,
halas etmäge güýji ýetmeýän
batyr söweşiji ýaly bolýaň?
Emma Sen biziň aramyzdasyň,
biz Seniň adyň bilen çagyryldyk,
bizi terk etme, ýa Reb!
10 Bu halk hakda Reb şeýle diýýär:
«Olar, hakykatdan-da, aýlanyp
gezmegi haladylar,
aýaklaryna dynçlyk bermediler.
Şonuň üçin Men-Reb olardan
hoşal däldirin.
Indi olaryň etmişlerini ýatlaryn,
günäleri üçin jezalandyraryn».

### *Ýalan pygamberler*

11 Onsoň Reb maňa şeýle diýdi: «Bu
halkyň abadançylygy üçin dileg etme.
12 Olar agyz bekleseler-de, olaryň per-
ýadyna gulak asmaryn. Olar ýakma
gurbanlygyny, galla sadakasyny hö-
dürleseler-de, Men olary kabul etmerin.
Tersine, gylyç, açlyk we mergi bilen
olary ýok ederin». 13 Onsoň men Rebbe:
«Wah, Hökmürowan Rebbim! Pygam-
berler olara gylyç ýüzüni görmersiňiz,
açlyk belasyny çekmersiňiz, bu ýerde
hakykatdan-da sag-salamat ýaşarsyňyz
diýýärler» diýdim. 14 Reb maňa şeý-
le jogap berdi: «Pygamberler Meniň
adymdan ýalandan pygamberlik edýärler.
Olary Men ýollamadym. Olara Men ne
buýruk berdim, ne-de olar bilen gepleş-
dim. Olaryň size edýän pygamberlikleri
galp görnüş, biderek palçylyk bilen öz
ýürekleriniň hilesidir». 15 Şonuň üçin
hem bu pygamberler barada Reb şeýle
diýýär: «Men ýollamasam hem Meniň
adymdan pygamberlik edip, „Bu ýurda
gylyç we açlyk gelmez“ diýýärler. Emma
bu pygamberleriň özleri gylyçdan we
açlykdan heläk bolarlar. 16 Olaryň py-
gamberlik eden halky-da açlyk we gylyç
sebäpli Iýerusalimiň köçelerine taşlanar.
Olaryň özlerini, aýallaryny we ogul-
-gyzlaryny jaýlan bolmaz. Çünki eden
pisliklerini Men olaryň öz başlaryndan
indererin. 17 Sen olara şu sözi ýetir: „Goý,
gözlerimiň ýaşy gije-gündiz kepemesin,
çünki boý gyzym – eziz halkym agyr
ýaralandy, güýçli zarba sezewar boldy.
18 Meýdana çyksam, gylyçdan geçirilen-
leri görýärin! Şähere girsem, açlykdan

helák bolanlary görýärin! Pygamber-de,
ruhany-da hiç zada düşünmän, ýurtda
enteşip ýörler“».

[19] Ýahudany bütinleý ret etdiňmi?
Siony ýürekden ýigrenýärsiňmi?
Näme üçin şypa tapmaz ýaly,
bizi beýle ýaraladyň?
Biz parahatlyk gözledik,
emma haýyr tapmadyk.
Şypa wagtyna garaşdyk,
emma howp abanýar.

[20] Ýa Reb, biz öz pisligimizi,
ata-babalarymyzyň ýazygyny
boýun alýarys.
Çünki biz Saňa garşy günä
etdik.

[21] Öz adyňyň hatyrasyna bizden
ýüz öwürme.
Öz şöhratly tagtyňy peseltme.
Biziň bilen eden ähtiňi ýada sal,
ony bozma.

[22] Milletleriň butlarynyň arasynda
ýagyş ýagdyryp bilýäni barmy?
Asman çabga ýagdyryp bilermi?
Muny diňe Sen edip bilýärsiň,
ýa Beýik Hudaýymyz!
Bularyň baryny edýän Sensiň.
Sendedir umydymyz!

**15-nji bap**

***Reb rehimdarlyk etmeýär***

[1] Soňra Reb maňa şeýle diýdi: «Hatda
Musa bilen Şamuwel huzurymda du-
rup ýalbarsalar-da, ýüregim bu halka
tarap öwrülmez. Halkymy huzurymdan
kow, goý, gitsin! [2] Olar senden: „Biz
nirä gideli?“ diýip sorasalar, sen olara
Reb şeýle diýýär diý: „Gyrgyna höküm
edilenleri gyrgyna, gylyja höküm edi-
lenleri gylyja, açlyga höküm edilenleri
açlyga, sürgüne höküm edilenleri sür-
güne ibererin“». [3] «Olaryň başyndan
dört hili betbagtlyk indererin: öldürmek
üçin – gylyjy, düýt-müýt etmek üçin –
itleri, iýip ýok etmek üçin – wagşy
guşlar bilen ýyrtyjy haýwanlary ibe-
rerin. Muny Reb aýdýandyr. [4] Ýahuda
patyşasy Hizkiýanyň ogly Manaşanyň
Iýerusalimde eden işlerinden ýaňa bü-
tin dünýäniň patyşalyklaryny howp
astyna salaryn.

[5] Eý, Iýerusalim, kimiň saňa ýüregi
awar?
Seniň üçin kim aglar?
Hal-ýagdaýyňy soramak üçin
ýolundan sowlup,
kim seniň ýanyňa geler?»

[6] «Sen Meni ret etdiň, yza tesdiň.
Men hem elimi saňa garşy
galdyryp,
seni ýok ederin.
Merhemet etmekden halys
ýadadym.
Muny Reb aýdýandyr.

[7] Ýurduň derwezelerinde
halkymy çarşak bilen sowraryn.
Perzentsiz goýup, olary helák
ederin,
çünki olar pis ýollaryndan
dänmediler.

[8] Olaryň dul aýallaryny
deňiz çägesinden-de köpelderin.
Ýigitleriň hem ejeleriniň üstüne
günorta çagy heläkleýji ibererin.
Ejelerini duýdansyz gorky
we howp astyna salaryn.

[9] Ýedi çagaly aýal
demi-demine ýetmän jan berdi.
Onuň güneşi gündiziň güni
ýaşdy,
ol utanja galyp, masgara boldy.
Galanlaryny bolsa
duşmanlarynyň
öňünde gylyja tabşyraryn».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Ýermeýa Rebbe şikaýat edýär*

10 «Waý meniň halyma! Wah, ejem,
sen meni bütin dünýä bilen jedelleşsin
hem dawa etsin diýip dogrupsyň! Men
hiç kime karz bermedim hem, alma-
dym hem. Şonda-da hemmeler maňa
nälet okaýarlar».
11 Reb şeýle diýdi:
«Men ysraýyl halkyny diňe
ýagşylyk üçin goýbererin.
Betbagtlyk we hasrat döwründe
duşmanyňy saňa tabyn ederin.
12 Hiç kim demir, onda-da
demirgazyk demri bilen
bürünji döwüp bilmez.
13 Ýurduň ähli ýerinde eden günäleň
üçin
talaňa bererin baýlygyňy we
hazynaňy.
14 Men seni tanamaýan ýurduňda
duşmanlaryňa gul ederin[a],
gazabym size garşy ot bolup
tutaşyp, ebedilik ýanar».

15 «Ýa Reb, Özüň bilýärsiň.
Meni ýada sal, ýardam et maňa.
Meni yzarlanlardan arymy
alaýyn.
Olara sabyr-takatly bolma,
meni öldürmeklerine ýol berme.
Bu kemsidilmelere Seniň hatyraň
üçin
çydaýandygymy bilgin.
16 Seniň sözleriňi tapyp iýdim.
Sözleriň maňa şatlyk, ýüregime
begenç berdi.
Çünki men Seniň adyň bilen
tutuldym,
eý, Reb Hökmürowan Hudaý!
17 Keýp çekýänleriň meýlisinde
oturmadym,
şatlanmadym men.
Seniň eliň üstümde bolup,
meni gazapdan dolduranyň üçin
ýalňyz özüm oturdym,
18 Neçün meniň agyrym dyngysyz?
Neçün ýaralaryma şypa ýok?
Neçün olary bejerip bolmaýar?
Sen meniň üçin suwy
ygtybarsyz bulak,
aldawçy bir çeşme boljakmy?»
19 Munuň üçin Reb şeýle diýýär:
«Eger toba etseň, seni ýene
kabul edip,
huzurymda durzaryn.
Eger biderek sözleri däl-de,
gymmatly sözleri aýtsaň,
Meniň dilim bilen geplärsiň.
Bu halkyň özi saňa tarap öwrüler,
emma sen olara tarap
öwrülmersiň.
20 Men seni bu halk üçin
bürünçden berk diwar ederin.
Olar seniň garşyňa söweşerler,
emma ýeňip bilmezler.
Halas etmek, ölümden gutarmak
üçin
Men seniň bilendirin.
Muny Reb aýdýandyr.
21 Seni erbetleriň elinden azat
ederin,
rehimsizleriň penjesinden halas
ederin».

## 16-njy bap

### *Rebbiň Ýermeýa beren tabşyryklary*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Özüňe aýal alma, bu ýerde ogullaryň,

[a] **15:14** ***Ýurduňda duşmanlaryňa gul ederin*** – bu jümle käbir golýazmalarda *ýurduňa duşmanlaryň bilen ibererin* diýip duş gelýär.

gyzlaryň bolmasyn. 3 Bu ýurtda doglan
ogullar we gyzlar, olary dünýä inderen
ene-atalar hakda Men-Reb şeýle diýýä-
rin: 4 Olar agyr kesellerden ölerler, olar
üçin ýas tutulmaz, jesetleri jaýlanylmaz,
topragyň ýüzünde ders ýaly bolup ýa-
tarlar. Olar gylyçdan we açlykdan heläk
bolarlar. Jesetleri guşlara we ýyrty-
jy haýwanlara şam bolar. 5 Çünki Reb
şeýle diýýär: „Ýas tutulýan öýe girme,
matam tutmak, aglamak üçin gitme.
Çünki Men bu halkdan sag-salamatly-
gymy, söýgimi we rehim-şepagatymy
aýyrdym. Muny Reb aýdýandyr. 6 Bu
ýurtda uludan-kiçä hemmeler öler. Ola-
ry jaýlamazlar, hiç kim olar üçin ýas
tutmaz, öz bedenini ýaralamaz ýa-da
saçyny syrmaz. 7 Ýas tutýany köşeşdir-
mek üçin hiç kim onuň bilen çörek iýmez.
Ene-atasyny ýitirene teselli käsesinden
içirmezler. 8 Meýlis edilýän öýe girme,
olar bilen oturma, iýip-içme“. 9 Ysra-
ýyl Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Siziň günleriňizde gözüňiziň
alnynda bu ýerden şatlykdyr gülki sesini,
öýlenýän ýigit bilen gelniň toý sesini
keserin“. 10 Bu sözleriň ählisini halka
ýetireniňde, olar saňa: „Näme üçin Reb
biziň üstümizden bu elhenç betbagtlygy
inderjegini aýtdyka? Biziň ýazygymyz
näme? Hudaýymyz Rebbe garşy biz
näme günä etdikkäk?“ diýerler. 11 Şon-
da sen olara Reb, ine, şeýle aýdýar diý:
„Bu siziň ata-babalaryňyzyň Meni terk
edendikleri üçindir. Olar başga hudaý-
laryň yzyna düşdüler, olara gulluk hem
sežde etdiler. Menden ýüz öwürdiler,
kanunymy ýerine ýetirmediler. 12 Siz
bolsa ata-babalaryňyzdan-da beter pislik
etdiňiz. Maňa gulak asman, her biriňiz
kesirlik bilen öz erbet niýetleriňiziň
yzyna düşdüňiz. 13 Munuň üçin Men
sizi bu ýurtdan çykaryp, özüňiziň-de,
ata-babalaryňyzyň-da tanamaýan ýur-
duna taşlaryn. Ol ýerde gije-gündiz
başga hudaýlara gulluk edersiňiz, Men
size merhemet etmerin“.

### *Halk sürgünden gaýdyp gelýär*

14 Munuň üçin Reb şeýle diýýär: „Şeý-
le günler geler, adamlar gaýdyp ysraýyl
halkyny Müsürden çykaran Rebden ant
içýärin diýmezler. 15 Munuň deregine
ysraýyl halkyny demirgazyk ýurtdan,
dargadylan beýleki ýurtlardan çykaran
Rebden ant içýärin diýjek günleri geler.
Çünki Men olary ata-babalaryna beren
topragyma gaýtaryp getirerin“. 16 Reb şeý-
le diýýär: „Men köp balykçylary ýollaryn,
olary tutarlar. Ondan soňra Men köp aw-
çylary ýollaryn. Her dagyň, her depäniň
üstünden we her gaýanyň gowagyndan
olary awlarlar. 17 Çünki Meniň gözlerim
olaryň edýän pis işlerindedir. Olar Meniň
huzurymdan gizlenip bilmez, etmişleri
nazarymdan sypmaz. 18 Olar ýigrenji
maslyk butlary bilen ýurdumy harama
çykardylar, mülkümi nejis zatlaryndan
doldurdylar. Şonuň üçin Men olara etmiş-
leridir günäleri üçin iki esse tölederin“».

19 Reb meniň güýjüm hem galamdyr,
betbagtlyk gününde
Penakärimdir!
Dünýäniň dört künjünden milletler
Seniň huzuryňa gelip:
«Biziň ata-babalarymyz diňe
ýalan zatlary,
özlerine birjik-de peýdasy
bolmadyk
biderek butlary miras aldylar»
diýerler.
20 Heý, ynsan özüne hudaýlar
ýasarmy?
Olar hudaý däl ahyryn!
21 «Şonuň üçin hem, Men-Reb bu gezek
olara güýjümi we gudratymy hökman

görkezerin. Şonda olar Meniň adymyň
Rebdigini bilerler».

### 17-nji bap

***Ýahudanyň günäsi***

1 «Ýahudanyň günäsi demir galam
bilen ýazyldy. Bu olaryň ýürekleriniň
gatyna, gurbanlyk sypalarynyň şahla-
ryna çakmak daşy bilen oýulyp ýazyldy.
2 Her gür ýaprakly agajyň ýanyndaky
we beýik baýyrdaky gurbanlyk sypa-
lary, Aşera butlary olaryň çagalarynyň
ýadyndadyr. 3 Seniň baýlygyňy we tutuş
hazynalaryňy ýurduňda eden günäleri-
ňiň tölegi hökmünde[a] olja edip paýlaryn.
4 Saňa beren mülkümi öz günäň bilen
ýitirdiň. Men seni tanamaýan ýurduň-
da duşmanlaryňa gul ederin, çünki siz
Meniň gazabymy tutaşdyrdyňyz, ol
ebedilik lowlar».

***Rebbe bil bagla!***

5 Reb şeýle diýýär:
«Ynsana bil baglan,
ynsanyň güýjüne daýanan,
ýüregi Rebden daşlaşan
adama nälet bolsun!
6 Ol çöldäki bir çaly ýalydyr,
ýagşylyk gelende ony görmez.
Gurak çölde, ilatsyz şorlukda
ýaşar.
7 Rebbe bil baglan,
Rebbe daýanan adam nähili
bagtly!
8 Ol suwuň ýakasynda oturdylan
agaç kimindir,
çeşmäniň boýunda köküni
ýaýradar.
Yssydan gorkýan däldir,
ýapragy hemişe ýaşyldyr.
Ýyl gurak gelende hem gaýga
batmaz,
miwe bermekden asla galmaz».
9 Ynsan ýüregi ähli zatdan
hilegärdir,
halys ýoldan çykandyr.
Oňa kim düşünip biler?
10 «Men-Reb her ynsana tutan
ýoluna,
eden işlerine görä jeza bermek
üçin,
ynsanyň ýüregini barlaýaryn,
pikirlerini synaýaryn».
11 Haram baýlyk toplan öz
guzlamadyk
ýumurtgalarynyň üstünde
oturan käkilik kimindir.
Ömri ýarpy bolanda, ol baýlyk
elden gider,
ömrüniň ahyrynda bolsa ol
akmak bolup çykar.
12 Mukaddes öýümiz owal-başdan
belende göterilen
şöhratly tagt kimindir.
13 Ýa Reb! Eý, Ysraýylyň Umydy!
Seni terk edenleriň bary utanja
galar.
«Menden ýüz öwrenler toz-
-topraga siňip giderler,
çünki olar Men Rebbi – diri
suwlar çeşmesini, terk
etdiler».
14 Ýa Reb, maňa şypa ber, sagalaýyn.
Meni halas et, halas bolaýyn,
çünki öwgim diňe Sensiň.
15 Ine, olar maňa: «Rebbiň sözi
nirede?
Hany, ol amala aşsyn-da!»
diýýärler.
16 Men hyzmatyňda çopan
bolmakdan gaçmadym.

[a] **17:3** ***Günäleriňiň tölegi hökmünde*** – ýa-da *günäleriň we seždegähleriň sebäpli.*

Betbagtlyk gününiň gelmegini-
de islemedim.
Agzymdan çykýan her bir sözi
Özüň bilýänsiň,
ýa Reb, ol söz huzuryňda
aýandyr.
17 Meni howp astyna salma,
betbagtlyk güni penakärim
Sensiň.
18 Goý, meni yzarlaýanlar utanja
galsyn,
emma meni utanja goýma.
Goý, olar gorka düşsün,
emma meni gorka salma.
Başlaryndan betbagtlyk gününi
inderip,
goşa gyrgynçylyk bilen ýok et
olary.
19 Reb maňa şeýle diýdi: «Ýahuda paty-
şalarynyň girip-çykýan Halk derwezesi
bilen Iýerusalimiň ähli derwezelerine
git-de, ol ýerde dur. 20 Onsoň halka şeý-
le diý: „Eý, Ýahuda patyşalary, tutuş
Ýahuda we bu derwezelerden girýän
ähli Iýerusalim ilaty, Rebbiň sözüne
gulak asyň!“». 21 Reb şeýle diýýär: «Öz
janyňyzyň hatyrasyna Sabat güni ýük
götermäň, Iýerusalimiň derwezelerinden
içeri ýük salmaň. 22 Sabat güni öýüňiz-
den ýük çykarmaň, hiç bir iş etmäň.
Meniň ata-babalaryňyza buýruşym ýa-
ly, Sabat gününi mukaddes hasaplaň.
23 Emma olar Meni diňlemediler, gulak
asmadylar. Boýnuýogynlyk edip, Me-
ni diňlemediler, terbiýämi almadylar».
24 Reb ýene şuny aýdýandyr: «Eger siz
Maňa gulak asyp, Sabat güni bu şäheriň
derwezelerinden ýük salmasaňyz, hiç
bir iş etmän, Sabat gününi mukaddes
hasaplasaňyz, 25 onda Dawut tagtynda
oturjak patyşalar öz emeldarlary bilen
söweş arabalaryna, atlara münüp, ýa-
huda halky we Iýerusalimiň ilaty bilen
birlikde bu şäheriň derwezelerinden
girerler. Bu şäher ebedi ilatly bolar.
26 Ýahuda şäherlerinden, Iýerusalimiň
etraplaryndan, benýamin topragyndan,
günbatar baýyrlykdan, daglykdan we
Negepden adamlar gelerler. Olar Reb-
biň öýüne ýakma gurbanlyklary bilen
beýleki gurbanlyklary, galla sadaka-
syny, ýakymly ysly tütetgi bilen şükür
sadakasyny getirerler. 27 Emma Meni
diňlemeseňiz, Sabat güni Iýerusalimiň
derwezelerinden ýükli girip, Sabat gü-
nüni mukaddes hasaplamasaňyz, onda
Men şäheriň derwezelerini oda bererin.
Ot Iýerusalimiň içki galalaryny ýakyp
ýandyrar, ol hiç wagt sönmez».

## 18-nji bap

### *Ýermeýa küýzegäriň öýünde*

1 Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Tur, küýzegäriň öýüne gir, sözleri-
mi şol ýerde saňa aýan ederin». 3 Men
küýzegäriň öýüne gitdim. Men onuň
çarhyň başynda işläp oturanyny gör-
düm. 4 Küýzegäriň toýundan ýasaýan
küýzesi elinde döwlende, ol öz isleýşi
ýaly palçykdan başga bir küýze ýasady.
5 Onsoň maňa ýene Rebbiň şu sözi aýan
boldy: 6 «Eý, ysraýyl halky, Men-de
sizi bu küýzegäriň ýasaýşy ýaly ýasap
bilmerinmi? Muny Men-Reb aýdýan-
dyryn. Edil küýzegäriň elinde toýun
nähili bolsa, siz hem Meniň elimde
şeýlesiňiz, eý, ysraýyl halky! 7 Men bir
milleti ýa-da patyşalygy sogrup taş-
lamak, ýumrup ýok etmek barada jar
etsem, 8 emma gürrüňini eden bu mil-
letim şonda erbetliginden dönse, onuň
başyndan inderjek betbagtlygymdan el
çekerin. 9 Aýdaly, Men bir milleti ýa-da
patyşalygy berkarar edip, bina etmek
hakynda jar eden bolsam, 10 emma bu

millet meniň nazarymda pis işler edip,
sözüme gulak asmasa, onda Men oňa
etjek ýagşylygymdan el çekerin. 11 Şonuň
üçin hem indi ýahuda halky bilen Iýeru-
salim ilatyna Reb şeýle diýýär diý: „Men
size garşy erbet pikirler düzüp, başyňyza
bela-beter getirerin. Indi her biriňiz pis
ýollaryňyzdan dönüň, ýaşaýşyňyzy we
hereketleriňizi düzediň“. 12 Emma olar:
„Bidereklik! Biz öz pikirlerimize eýereris,
kesirlik bilen öz erbet niýetlerimize görä
hereket ederis“ diýerler. 13 Munuň üçin
Reb şeýle diýýär: „Milletler arasynda
soraň, bular ýaly zady kim eşidipdir?
Ysraýyl boý gyzy örän elhenç iş etdi.
14 Liwanyň gary onuň beýik gaýalary-
ny, heý, terk edermi? Onuň uzakdan
akýan sowuk bulaklary heý kesiler-
mi? 15 Emma halkym bolsa Meni terk
etdi, biderek hudaýlara tütetgi ýakdy.
Bu hudaýlar olaryň gitjek ýollarynda,
owalky ýollarda büdremeklerine sebäp
boldular. Olar çarkandakly ýoldan ýöräp,
dogry ýoly terk etdiler. 16 Olar bu ýur-
dy elhençlige, ebedilik masgaraçylyga
öwürdiler. Ondan geçýänleriň baryny
gorky basar, olar geň galyp, başlary-
ny ýaýkarlar. 17 Olary duşmanlarynyň
öňünde gündogar şemaly kimin pytrada-
ryn. Başlaryndan betbagtlyk inen güni
ýüzümi däl-de, ýeňsämi görkezerin“».
18 Şonda halk: «Geliň, Ýermeýa garşy
dil düwşeliň. Ruhanylaryň öwretjek
kanuny-da, akyldarlaryň berjek mas-
lahaty-da, pygamberleriň aýan etjek
sözi-de ýeterlik ahyryn. Geliň, oňa di-
limiz bilen hüjüm edeliň, hiç bir sözüne
gulak asmalyň» diýdi.

19 Ýa Reb, Sen maňa gulak goý,
garşydaşlarymyň sesini eşit!
20 Ýagşylyga ýamanlyk edilermi?
Emma olar janymy almak üçin
çukur gazdylar.
Gazabyňy olardan sowmak,
olara ýagşylyk dilemek üçin,
huzuryňda nähili duranymy
ýadyňa sal.
21 Munuň üçin çagalaryny açlyga
ber,
kesgir gylyja tabşyr.
Aýallary perzentsiz dul galsyn,
erkeklerini ajal alsyn,
ýaş ýigitleri söweşde gylyçdan
ölsün.
22 Üstlerine garakçylary duýdansyz
dökeniňde,
öýlerinden dady-perýat eşidilsin.
Çünki meni tutmak üçin çukur
gazdylar,
aýagymyň astyna gizlin duzak
gurdular.
23 Ýa Reb, Sen meni öldürmek üçin
edilen
bu dildüwşükleriň baryny
bilýänsiň.
Olaryň ýazygyny bagyşlama,
günälerini nazaryňdan düşürme.
Goý, olar huzuryňda ýykylsynlar,
olara garşy gazabyňda hereket et.

## 19-njy bap

### *Döwlen küýze*

1 Reb şeýle diýdi: «Git-de, küýzegäriň
toýundan ýasan bir küýzesini satyn al.
Halkyň we ruhanylaryň ýaşulularyndan
birnäçesini ýanyň bilen alyp, 2 Küýze
döwügi diýen derwezäniň golaýyndaky
Benhinnom deresine git. Saňa aýtjak
sözlerimi şol ýerde yglan et. 3 Olara:
„Eý, Ýahuda patyşalary bilen Iýerusa-
lim ilaty, Rebbiň sözüne gulak asyň“
diý. Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Men bu ýeriň üstünden
şeýle bir betbagtlyk indererin welin, ony
eşidenleriň gulaklary şaňlar. 4 Çünki

bu halk Meni terk etdi, bu ýeri hara-
ma çykardy. Olar ata-babalarynyň hem,
Ýahuda patyşalarynyň hem tanamaýan
başga hudaýlaryna sadakalar hödür et-
diler, bu ýeri bigünä dökülen gandan
doldurdylar. 5 Çagalaryny otda ýakyp,
Bagal butuna ýakma gurbanlyk hök-
münde hödürlemek üçin seždegähler
gurdular. Men olara beýle işi buýurman-
dym, aýtmandym, beýle zat kelläme-de
gelmändi. 6 Şonuň üçin hem indi ol ýere
‘Topet’ ýa-da ‘Benhinnom deresi’ di-
ýilmän, ‘Ölüm jülgesi’ diýiljek günler
geler. Muny Reb aýdýandyr. 7 Bu ýerde
Ýahuda bilen Iýerusalimiň niýetlerini pu-
ja çykararyn. Olary janlarynyň kastyna
çykanlaryň eline berip, duşmanlarynyň
öňünde gylyçdan heläk ederin. Jesetle-
rini guşlara we ýyrtyjy haýwanlara şam
ederin. 8 Men bu şäheri harabaçylyga
öwrüp, ryswa ederin. Ol ýerden geç-
ýänleriň baryny gorky basar we onuň
başyndan inen ähli bela-beterler sebäpli
oňa sykylyk çalarlar. 9 Ogullarynyň we
gyzlarynyň etini özlerine iýdirerin. Jan-
larynyň kastyna çykan duşmanlary olary
gabawa salanda, çekýän hasratlaryndan
ýaňa biri-biriniň etini iýerler“.
10 Onsoň sen özüň bilen gidenleriň
gözüniň alnynda küýzäni döw. 11 Ola-
ra Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý:
„Küýzegäriň küýzesiniň döwlüşi ýaly,
ony täzeden bejerip bolmaýşy ýaly, Men
hem bu halky we şäheri şeýdip döwerin.
Topetde ölüleri jaýlamak üçin ýer galmaz.
12 Men bu ýeri hem, onuň ilatyny hem
şeýle ederin. Bu şäheri edil Topet ýaly
ederin. Muny Reb aýdýandyr. 13 Iýerusali-
miň öýleri-de, Ýahudanyň patyşalarynyň
köşkleri-de Topet ýaly murdar saýylar.
Çünki bu öýleriň ählisiniň üçeginde
asman jisimlerine ýakymly ysly tütetgiler
ýakdylar, başga hudaýlara içgi sadakasy-
ny hödürlediler“».
14 Onsoň Ýermeýa özüni Rebbiň py-
gamberlik etmek üçin iberen ýeri bolan
Topetden geldi. Ol Rebbiň öýüniň how-
lusynda durup, tutuş halka şeýle diýdi:
15 «Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Olaryň boýnuýogynlyk
edip, Maňa gulak asmakdan ýüz öw-
rendikleri üçin, indi Men bu şäheriň
we onuň ähli obalarynyň garşysyna
aýdan ähli bela-beterlerimi üstlerinden
indererin“».

## 20-nji bap

### *Immeriň ogly Paşhur ruhany*

1 Rebbiň öýüniň baş gözegçisi Immeriň
ogly Paşhur ruhany Ýermeýanyň bu söz-
leri pygamberlik edenini eşitdi. 2 Onsoň
Paşhur Ýermeýa pygamberi urdy we
Rebbiň öýündäki ýokarky Benýamin
derwezesinde aýaklaryna künde saldy.
3 Ertesi säher bilen Paşhur Ýermeýany
kündeden boşadanda, Ýermeýa oňa şeýle
diýdi: «Reb seni Paşhur däl-de, Magor
Misabyp [a] diýip atlandyrdy. 4 Çünki Reb
şeýle diýýär: „Men seniň özüňi we dost-
-ýarlaryň baryny howp astyna salaryn.
Olaryň duşman gylyjyndan heläk bol-
şuny öz gözleriň bilen görersiň. Men
tutuş Ýahudany Babyl patyşasynyň eline
bererin. Bu patyşa olary Babyla äkider
we gylyçdan geçirer. 5 Men bu şäheriň
ähli baýlygyny, mal-mülküni, gymmat-
baha zatlary bilen Ýahuda patyşalarynyň
ähli genji-hazynalaryny duşmanlarynyň
eline bererin. Olara talaň salyp, ähli
zatlaryny Babyla äkiderler. 6 Eý, Paşhur,
sen bilen seniň öýüňde ýaşaýanlaryň

[a] **20:3** ***Magor Misabyp*** – bu sözler *ähli tarapdan howp* diýmegi aňladýar.

bary Babyla sürgün ediler. Sen-de, se-
ni söýýänler-de, ýagny seniň ýalandan
pygamberlik eden adamlaryň-da şol
ýerde ölüp, şol ýerde jaýlanarsyňyz“».

### *Ýermeýa Rebbe şikaýat edýär*

7 Ýa Reb, Sen meni aldadyň,
men-de aldandym.
Sen menden güýçlüsiň,
Sen meni ýeňdiň.
Bütin gün men boldum gülki,
ýaňsylaýar her kim meni.
8 Çünki geplesem, perýat edýärin,
«Zorluk we zulum!» diýip
gygyrýaryn.
Rebbiň sözünden ýaňa bütin gün
kemsidildim we masgara
boldum.
9 Men: «Indi Ol hakda dil ýarmaryn,
Onuň adyndan geplemerin»
diýsem,
Onuň sözi süýeklerime ornaşyp,
ýüregime ot berdi.
Ony içimde saklamakdan irdim,
mundan artyk çydap bilmeýärin.
10 Men: «Ähli tarapdan howp
abanýar!
Üstünden arz ediň! Bizem arz
edeliň!»
diýen pyşyrdylary eşitdim.
Ähli ýakyn dostlarym
büdremegime göz dikip:
«Belki, aldanar, şonda ýeňeris
ony,
ondan alarys arymyzy»
diýýärler.
11 Emma Reb batyr söweşiji kimin
meniň bilendir,
şonuň üçin meni yzarlaýanlar
büdrärler,
ýeňip bilmezler.
Üstünlik gazanyp bilmändikleri
üçin,
olar erbet utanja galarlar.
Olaryň utanjy ebedilik bolar,
hiç wagt unudylmaz.
12 Eý, Hökmürowan Reb, dogry
adamlary synaýan,
ýürekleri görýän we pikirleri
okaýan Sensiň!
Dawamy Saňa mälim edýärin,
olardan aljak öjüňi göreýin!

13 Rebbe nagma aýdyň,
Rebbe alkyş okaň!
Çünki garybyň janyny
ýaramazlaryň elinden
Ol halas etdi.

14 Meniň doglan günüme nälet bolsun!
Enemiň meni dogran gününe
alkyş bolmasyn!
15 «Ogluň boldy!» diýip,
kakamy begendiren
buşlukça nälet bolsun!
16 Goý, ol adam Rebbiň gaýgyrman
ýumran şäherleri kimin bolsun!
Säher dady-perýat,
günortan ahy-nala eşidilsin!
17 Çünki ol adam ýatgydakam
öldürmedi,
ýogsam enem meniň mazarym
bolardy,
onuň ýatgysy ebedilik göwreli
bolardy.
18 Men näme üçin eneden
doguldymkam?
Gaýgy-hasrat çekip,
ömrümi ryswalykda geçirmek
üçinmi?

## 21-nji bap

### *Reb Sidkiýanyň haýyşyny ret edýär*

1 Patyşa Sidkiýa Malkyýanyň ogly
Paşhur bilen Magaseýanyň ogly Sepanýa

ruhanyny Ýermeýanyň ýanyna iberende,
Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy. Paş-
hur bilen Sepanýa oňa: 2«Babyl patyşasy
Nebukadnesaryň garşymyza uruşýandy-
gy sebäpli biziň üçin Rebbe ýalbarsana.
Belki, Reb biziň üçin Öz ajaýyp gudrat-
larynyň birini görkezip, Nebukadnesary
ýurdumyzdan kowar» diýdi. 3Ýermeýa
olara Sidkiýa şuny aýdyň diýdi: 4«Ys-
raýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär: „Siziň
daşky diwarlaryňyzy gabaýan Babyl
patyşasy bilen babyllylaryň garşysyna
ulanýan eliňizdäki ýaraglaryňyzy yzyna
öwrerin. Olaryň hemmesini bu şäheriň
ortasyna üýşürerin. 5Güýç-gudratym
bilen, güýçli gaharym bilen gazap atyna
atlanyp, Meniň Özüm siziň garşyňyza
urşaryn. 6Men bu şäherdäkileriň bary-
ny: ynsandyr haýwanyny heläk ederin.
Olar aýylganç mergiden ölerler. 7Mun-
dan soň Ýahudanyň patyşasy Sidkiýany,
onuň emeldarlaryny, bu şäheriň ilatyny
uruşdan, açlykdan we mergiden aman
galanlaryň baryny Babyl patyşasy Ne-
bukadnesaryň, öz janlarynyň kastyna
çykan duşmanlarynyň eline bererin.
Nebukadnesar olary gylyçdan geçirer,
olary gaýgyrmaz, olara haýpy gelmez we
ýüregi awamaz. Muny Reb aýdýandyr“.

8Bu halka hem Reb şeýle diýýär diý:
„Ine, Men ýaşaýyş ýoly bilen ölüm ýoluny
siziň öňüňizde goýýaryn. 9Bu şäherde
galan gylyçdan, açlykdan we mergiden
öler, emma daşary çykyp, özlerini ga-
ban babyllylaryň eline düşen öz janyny
gutaryp aman galar. 10Men bu şähere
ýagşylyk däl-de, betbagtlyk indermek
kararyna geldim. Muny Reb aýdýandyr.
Bu Babyl patyşasynyň eline berler we
ol hem muny oda ýakar“. 11Ýahuda pa-
tyşasynyň nesline aýt, Rebbiň sözüne
gulak asyň diý: 12„Eý, Dawudyň nesli!
Reb şeýle diýýär:

‘Ertirine adalaty berjaý ediň,
talanany zalymyň elinden halas
ediň.
Ýogsam pis işleriňiz zerarly
gazabym ot kimin lowlap
ýandyraýmasyn,
ony hiç kim söndürip bilmez.
13Men saňa garşydyryn,
eý, özüni düzde gaýa saýýan
jülge ilaty!’.
Muny Reb aýdýandyr.
Siz diýýäňiz: ‘Bize kim garşy
çykyp biler?
Mesgenimize kim girip biler?’
14Men sizi eden işleriňize
görä jezalandyraryn,
tokaýyňyza ot bererin,
ot töweregiňizdäki zatlary
ýakyp ýandyrar“».
Muny Reb aýdýandyr.

### 22-nji bap

1Onsoň Reb maňa Ýahuda patyşasy-
nyň öýüne bar-da, ol ýerde şu sözi aýan
et diýdi: 2«Eý, Dawut tagtynda oturan
Ýahuda patyşasy, seniň özüň, emeldar-
laryň we bu derwezeden girýän halkyň
bilen birlikde Rebbiň sözüni eşidiň! 3Reb
şeýle diýýär: „Adalaty we dogruçyllygy
berjaý ediň, ezileni zalymyň elinden
halas ediň; gelmişege, ýetim bilen dul
aýala azar bermäň, zorluk etmäň, bu
ýerde nähak gan dökmäň. 4Eger siz bu
işi hakykatdan etseňiz, onda Dawut
tagtynda oturjak patyşalar atlara we
söweş arabalara münüp, olaryň özle-
ri, hyzmatkärleri hem halky bu öýüň
derwezelerinden girerler. 5Eger-de bu
sözleri diňlemeseňiz, Öz barlygymdan
ant içýärin, bu öý haraba döner. Muny
Reb aýdýandyr“.

6Çünki Ýahuda patyşasynyň köşgi
barada Reb şeýle diýýär:

„Sen gözüme gözel Gilgat tokaýy
deý,
Liwan agaçlaryna bürenen dag
deý bolsaň-da,
Men seni hökman çöllüge,
ilatsyz şähere öwrerin.
7 Garşyňa elleri ýaragly
heläkleýjileri bellärin.
Olar saýlama kedrleriňi çapyp,
olary oda atarlar.
8 Köp milletler bu şäheriň ýanyndan ge-
çende, biri-birine: ‘Bu beýik şäheri Reb
näme üçin beýtdikä?’ diýerler. 9 Olara
şeýle jogap bererler: ‘Olar özleriniň
Hudaýy Rebbiň ähtini terk etdiler, baş-
ga hudaýlara sežde we gulluk etdiler’“.

### *Ýahudanyň patyşalary jezalandyrylýar*

10 Ölen üçin aglaman, oňa ýas
tutman,
eýsem sürgüne giden üçin
zar-zar aglaň,
çünki ol indi öwrülip gelmez,
dogduk mekanyny görmez.

11 Kakasy Ýoşyýanyň ýerine Ýahudanyň
patyşasy bolan we ol ýerden çykyp gaý-
dan Şallum [a] hakynda Reb şeýle diýýär:
„Ol bu ýere indi öwrülip gelmez. 12 Ýesir
edilip äkidilen ýerinde öler we bu ýurdy
gaýdyp görmez“.

### *Ýehoýakym patyşa hakyndaky pygamberlik*

13 Öýüni nädogrulyk bilen gurýanyň,
eýwanyny adalatsyzlyk bilen
giňeldýäniň,
başga birini mugt işledip,
onuň hakyny bermeýäniň dat
gününe!
14 „Özüme ýokarky gatda giň
otaglary bolan ajaýyp köşk
salnaryn“
diýýäniň halyna waý!
Ol köşgüne beýik penjireler
goýar,
kedr agajy bilen örtüp,
ony gyrmyzy reňke boýar.
15 Kedr agajyny başgalardan
köp ulananyň bilen näme,
patyşa bolaýarmyň?
Ataň hem doýýança bol
iýip-içýärdi,
ýöne ol adalatlydy hem
dogruçyldy.
Şonuň üçinem onuň işleri
ugruna boldy.
16 Ol garybyň, mätäjiň hakyny alyp
berdi;
munuň üçin onuňky ugruna boldy.
Bu Meni tanamagyň manysy
dälmidir?
Muny Reb aýdýandyr.
17 Emma seniň gözüň we ýüregiň
haram gazanja, bigünä gan
dökmäge,
zulum hem zorluk etmäge
dikilipdir.
18 Munuň üçin Ýahuda patyşasy Ýo-
şyýanyň ogly Ýehoýakym hakda Reb
şeýle diýýär:
„Onuň üçin: ‘Waý, gardaşym!’
ýa-da ‘Waý, jigerim!’ diýip ýas
tutmazlar.
‘Waý, aga!’ ýa-da ‘Waý, onuň
alyhezretleri!’ diýip,
onuň üçin ýas tutup aglamazlar.
19 Maslygyny süýräp,
Iýerusalim derwezesinden
çykaryp zyňarlar,
eşek gömen ýaly edip gömerler“.

---

[a] **22:11** ***Şallum*** – bu Ýehogahazyň beýleki ady.

### *Iýerusalim hakyndaky pygamberlik*

[20] Liwana çyk-da, perýat et.
Başanda sesiňi gatalt,
Abarymdan perýat et,
çünki ähli oýnaşlaryň gyryldy.
[21] Işiň rowaçka, Men saňa
ýüzlendim,
ýöne sen: „Diňlemerin“ diýdiň;
ýaşlygyňdan bäri ýoluň şu boldy,
sözüme hiç gulak asmaýardyň.
[22] Ähli ýolbaşçylaryňy ýel äkider,
oýnaşlaryň sürgün ediler.
Şonda eden pislikleriňden ýaňa,
utanja galyp, bolarsyň ryswa.
[23] Eý, Liwanda mesgen tutan,
kedr agaçlarynda höwürtge
ýasan!
Seni çaga dogurýanyňky ýaly
burgydyr
sanjy gurşanda, çekersiň
ahy-nala!
[24] Öz barlygymdan ant içýärin, muny
Men – Reb aýdýandyryn. Eý, Ýahuda
patyşasy Ýehoýakymyň ogly Ýehoýakyn,
sag elimdäki möhür ýüzügi bolaýa-
nam bolsaň, Men seni çykaryp taşlaryn.
[25] Seni janyňyň kastyndakylaryň, gork-
ýan adamlaryňyň eline, Babyl patyşasy
Nebukadnesar bilen babyllylaryň eline
bererin. [26] Sen bilen seni dogran ejeňi
özüňiziň dogulmadyk ýeriňiz bolan
başga ýurda zyňaryn, şol ýerde-de öler-
siňiz. [27] Siziň şu ýurda ýene dolanasyňyz
geler, ýöne oňa hiç wagt ýüzüňiz düş-
mez». [28] Bu Ýehoýakyn diýen adam
äsgerilmeýän döwük küýze bolup, hiç
kime gerekmejek gapdyr. Ol nesli bilen
birlikde özleriniň tanamaýan ýurduna
taşlandy. [29] Eý, ýurt, ýurt, ýurt! Rebbiň
sözüni eşit! [30] Reb şeýle diýýär: «Bu
adamy zürýatsyz, ömründe işi oňuna
bolmajak adam diýip ýazyň. Çünki indi
onuň neslinden hiç kimiň işi oňuna bol-
maz, hiç biri Dawut tagtynda oturmaz
we Ýahudada höküm sürmez».

## 23-nji bap

### *Dogruçyl Şaha*

[1] «Meniň örimiň goýunlaryny ýok edip,
dargadýan çopanlaryň waý halyna! Mu-
ny Reb aýdýandyr. [2] Şonuň üçin Ysraýyl
Hudaýy Reb halkymy bakýan çopanlar
hakda şeýle diýýär: „Siz Meniň sürimi
dargatdyňyz, kowduňyz, olary idetme-
diňiz. Ine, Men ýaramaz işleriňiz zerarly
sizi jezalandyraryn. Muny Reb aýdýandyr.
[3] Sürimiň galanlaryny olary dargadan ähli
ýurtlarymdan ýygnaryn, olary gaýtadan
agyllaryna getirerin; olar köpelerler, ör-
ňärler. [4] Olara çopanlar goýaryn, olar indi
gorkmazlar, heder etmezler we ýitirim
bolmazlar. Muny Reb aýdýandyr.
[5] Ine, Meniň Dawudyň neslinden bir
dogruçyl Şaha çykarjak günlerim gel-
ýär; muny Reb aýdýandyr. Ol şa tagtyna
çykyp, paýhasly höküm sürer, ýurtda
adalat we dogruçyllyk bilen hereket eder.
[6] Onuň döwründe Ýahuda halas bolar, Ys-
raýyl howpsuz ýaşar. Ony: ‘Reb – biziň
Hakperwerimizdir!’ diýip atlandyrarlar.
[7] Şonuň üçin hem şeýle günler geler,
mundan beýläk ‘Ysraýyl halkyny Müsür
ýurdundan çykaran Rebbiň barlygyndan
ant içýärin’ diýilmez. Muny Reb aýd-
ýandyr. [8] Muňa derek: ‘Ysraýyl halkynyň
tohum-tijini demirgazyk ýurdundan we
dargadan ýurtlaryndan çykaryp getiren
Rebbiň barlygyndan ant içýärin’ diýil-
jek günler geler. Olar öz ýurtlarynda
ýaşarlar“».

### *Galp pygamberler*

[9] Pygamberler hakynda:
Ýüregim içimde syndy,

ähli süňklerim sandyraýar.
Reb sebäpli,
Onuň mukaddes sözleri sebäpli
men serhoş adam kimin,
şerabyň ýesiri kimin boldum.
10 Çünki ýurt zynahorlykdan
doludyr,
ýurt nälet zerarly ýas tutýar,
çölüň örüleri guraýar.
Adamlar pis ýola düşüp,
güýçlerini zorluga sarp edýär.
11 «Pygamber-de, ruhany-da
hudaýsyzdyr,
olaryň pisligini hatda Öz
öýümde-de gördüm.
Muny Reb aýdýandyr.
12 Munuň üçin ýöreýän ýollary olara
garaňkydaky sürçek ýer kimin
bolar,
ol ýerde büdräp ýykylarlar.
Çünki jeza ýyly
olaryň başyna bela getirerin.
Muny Reb aýdýandyr.
13 Samariýa pygamberleriniň
arasynda
Men bu nejis işi gördüm:
Bagalyň adyndan pygamberlik
edip,
olar Meniň halkym ysraýyly
azdyrdylar.
14 Iýerusalimiň pygamberleriniň
arasynda-da
aýylganç zat gördüm:
olar zyna edýärler, ýalana
eýerýärler,
ýamanlyk edýänleri
güýçlendirýärler,
şeýdip, hiç kim erbetlikden el
çekmeýär.
Meniň üçin olaryň ählisi Sodom
kimin,
boldy Iýerusalimiň ilaty
Gomora kimin.
15 Şonuň üçin pygamberler hakynda
Hökmürowan Reb şeýle
diýýär:
„Men olara ajy ýowşan iýdirjek,
zäherli suw içirjek.
Çünki Iýerusalim
pygamberleriniň
hudaýsyzlygy tutuş ýurda
ýaýrady“.
16 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Özü-
ňize pygamberlik edýän pygamberleriň
sözlerini diňlemäň, olar size biderek zat-
lar öwredýärler. Olar Rebbiň agzyndan
çykan sözleri däl-de, öz ýürekleriniň
hyýalyny sözleýärler. 17 Olar Meni ýig-
renýänlere hemişe ‘Reb size parahatlyk
bolar diýdi’ diýýärler. Kesirlik bilen öz
ýaman niýetlerine eýerýänlere ‘Başyňy-
za betbagtlyk gelmez’ diýýärler.
18 Rebbiň sözüni eşidip, görmek üçin,
kim Onuň maslahatynda boldy?
Onuň sözüni ýerine ýetirmek üçin,
kim Oňa gulak asdy?
19 Ine, Rebbiň gyzgyn gazaby,
harasady gopup,
gazaply lowlaýan harasady
erbetleriň başyna iner.
20 Ýüreginiň niýetini amala
aşyrýança,
Rebbiň gahar ody ýatyşmaz.
Siz muňa ahyrky günlerde
düşünersiňiz.
21 Bu pygamberleri Men
ýollamadym,
olaryň özleri ylgadylar.
Olar bilen gepleşmedim,
özlerinden pygamberlik etdiler.
22 Emma olar maslahatymy alsadylar,
halkyma sözlerimi eşitdirerdiler,
şonda halky ýaman ýollaryndan,
şer işlerinden gaýtarardylar.
23 Eýsem Men diňe ýakyndaky Hudaý-
my? Uzakdaky Hudaý dälmi? Muny

Reb aýdýandyr. 24 Gizlin ýerlerde buku-
lany Meniň görmejek gümanym barmy?
Muny Reb aýdýandyr. Asmany hem ýeri
Men doldurmaýarynmy? Muny Reb
aýdýandyr. 25 Meniň adymdan galp py-
gamberlik edýän pygamberleriň ‘Düýş
gördüm, düýş gördüm!’ diýişlerini eşit-
dim. 26 Ýalan sözleýän, öz ýürek hilelerini
beýan edýän pygamberleriň kalbynda
bu haçana çenli dowam eder? 27 Bagal
sebäpli ata-babalar Meniň adymy unutdy-
lar. Indi bu pygamberler hem biri-birine
gürrüň berýän düýşleri arkaly halkyma
Meniň adymy unutdyrjak bolýarlar. 28 Py-
gamber öz gören boş düýşlerini gürrüň
beribersin, emma Meniň sözümi eşi-
den her kes sözümi hakyky beýan etsin.
Heý-de, bugdaýy saman bilen deňäp
bolarmy? Muny Reb aýdýandyr. 29 Meniň
sözüm ot kimin, gaýany bölek-bölek ed-
ýän tokmak kimin dälmidir? Muny Reb
aýdýandyr. 30 Munuň üçin Men biri-bir-
lerinden sözümi ogurlaýan pygamberlere
garşydyryn. Muny Reb aýdýandyr. 31 ‘Reb
şeýle diýýär’ diýip, öz bilenlerini aýdýan
pygamberlere Men garşydyryn“. Muny
Reb aýdýandyr. 32 Reb şeýle diýýär: „Men
ýalan düýşler bilen pygamberlik edýän-
lere garşydyryn. Olar bu düýşleri aýdyp,
ýalan sözleri we boş öwünmeleri bilen
Meniň halkymy azdyrýarlar. Olary Men
ýollamadym, olara Men tabşyryk berme-
dim. Olaryň bu halka asla peýdasy ýok“.
Muny Reb aýdýandyr. 33 Bu halk ýa-da bir
pygamber, ýa bolmasa bir ruhany senden:
„Rebden gelen pygamberlik ýüki näme?“
diýip sorasa, sen olara: „Siziň özüňiz
ýük ahyryn. Men sizi terk ederin“ diýip
jogap ber. Muny Reb aýdýandyr. 34 Eger
bir pygamber, ruhany ýa-da halkyň için-
den biri „Bu Rebden gelen pygamberlik
sözi [a]“ diýse, ol adamy hem, onuň tutuş
hojalygyny hem jezalandyraryn. 35 Siz
öz araňyzda biri-biriňizden: „Reb näme
jogap berdi? Reb näme diýdi?“ diýip
soramalysyňyz. 36 Emma mundan beý-
läk Rebden gelen pygamberlik sözüni
agzamarsyňyz, çünki her kes öz sözüni
pygamberlik sözi diýip saýýar. Şeýdip,
siz diri Hudaýyň, Hökmürowan Huda-
ýymyz Rebbiň sözlerini ýoýduňyz. 37 Siz
pygamberden: „Reb saňa näme jogap ber-
di? Näme diýdi?“ diýip soramalysyňyz.
38 Emma siz: „Rebden gelen pygamberlik
sözi“ diýýärsiňiz. Muny Reb aýdýandyr.
Men size bu sözleri aýtmaň diýip habar
iberen hem bolsam, siz „Rebden gelen
pygamberlik sözi“ diýen sözleri ýene
aýtdyňyz. 39 Şonuň üçin hem Men sizi
terk edip, sizi-de, özüňize we ata-baba-
laryňyza beren şäherimi-de huzurymdan
aýryp taşlaryn. 40 Üstüňize hiç wagt unu-
dylmajak ebedilik utanç we tükeniksiz
ryswalyk getirerin».

## 24-nji bap

### *Iki sebet injir*

1 Babyl patyşasy Nebukadnesar Ýa-
huda patyşasy Ýehoýakymyň ogly
Ýekonýany [b], Ýahudanyň ýolbaşçylaryny,
hünärmentler bilen demirçileri Iýeru-
salimden Babyla ýesir edip äkitdi. Bu
wakadan soň Reb maňa Özüniň yba-
dathanasynyň öňünde goýlan iki sebet
injiri görkezdi. 2 Bir sebetde ir ýetişýän
injirler bardy. Olar diýseň gowudy. Beý-
leki sebetde bolsa iýmäge ýaramaýan

---

[a] **23:34** ***Pygamberlik sözi*** – ýewreýçe *massa* diýen söz *pygamberlik sözi*, şeýle hem *ýük* diýmegi aňladýar. Bu söz oýnatmadyr.

[b] **24:1** ***Ýekonýa*** – bu at 2Pat 24 we 25-de *Ýehoýakyn* diýip duş gelýär.

gaty erbet injirler bardy. 3 Onsoň Reb
menden: «Ýermeýa, näme görýärsiň?»
diýip sorady. Men: «Injir. Gowulary gaty
gowy, erbetleri bolsa gaty erbet, çüýrük-
liginden ýaňa olary iýer ýaly däl» diýdim.
4 Onsoň maňa Rebbiň şu sözi aýan bol-
dy: 5 «Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär:
„Bu ýerden babyllylaryň ýurduna sür-
gün edilen Ýahuda ýesirlerini bu gowy
injirler ýaly ýagşy saýaryn. 6 Nazarym
ýagşylyk üçin olarda bolar, olary ýene
bu ýurda getirerin. Olary bina ederin,
ýykmaryn; olary ekerin, sogrup taşlama-
ryn. 7 Olaryň ýüreklerine Meni tanamak
islegini salaryn, şonda olar Meniň Reb-
digimi bilerler. Olar Meniň halkym bolar,
Men-de olaryň Hudaýy bolaryn, çünki
olar tutuş kalby bilen Maňa öwrülerler“.
8 Reb şeýle diýýär: „Emma Ýahuda
patyşasy Sidkiýany, onuň ýolbaşçy-
laryny, bu ýurtda Iýerusalimiň aman
galanlary bilen Müsürde ýaşaýanlary
edil ýaramsyz çüýrük injir ýaly ederin.
9 Men olary ýer ýüzüniň ähli patyşalyk-
lary üçin howpa we ýamanlyga öwrerin.
Sürgün eden her bir ýerimde bolsa, olar
masgara, gep-gürrüň, gülki bolup nälet-
lenerler. 10 Özlerine hem ata-babalaryna
beren ýurdumdan doly ýok bolýançalar
üstlerine gylyç, açlyk, mergi ibererin“».

### 25-nji bap

#### *Ýetmiş ýyl*

1 Ýahuda patyşasy Ýoşyýanyň ogly Ýe-
hoýakymyň şalygynyň dördünji ýylynda
(bu Babyl patyşasy Nebukadnesaryň pa-
tyşalygynyň birinji ýylydy) Ýermeýa
bütin ýahuda halky hakynda Rebbiň sözi
aýan boldy. 2 Ýermeýa pygamber muny
bütin ýahuda halkyna we tutuş Iýeru-
salim ilatyna ýetirip, şeýle diýdi: 3 «Ine,
ýigrimi üç ýyl bäri, Ýahuda patyşasy
Amonyň ogly Ýoşyýanyň şalygynyň on
üçünji ýylyndan tä şu güne çenli Rebbiň
sözi maňa aýan bolup gelýär. Men-de her
gün ony size dyngysyz aýtdym, ýöne siz
diňlemediňiz. 4 Reb Özüniň gullary bolan
pygamberleri gaýta-gaýta size ýollady,
emma siz diňlemediňiz, gulak asmady-
ňyz. 5 Olar size şeýle diýdiler: „Indi her
biriňiz öz ýaman ýoluňyzdan, pis işleri-
ňizden dönüp, Men-Rebbiň owal-başdan
özüňize we ata-babalaryňyza ebedilik
beren ýurdumda mesgen tutuň. 6 Başga
hudaýlara gulluk we sežde etjek bolup,
olaryň yzyna düşmäň. Elleriňiziň işi bilen
Meniň gaharymy getirmäň, Men-de size
zyýan ýetirmäýin“. 7 Ýöne siz Meni diňle-
mediňiz. Muny Men – Reb aýdýandyryn.
Öz elleriňiziň işleri bilen gaharymy ge-
tirip, özüňize zeper ýetirdiňiz. 8 Munuň
üçin Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
„Meniň sözlerime gulak asmandygyňyz
üçin, 9 Men-de bütin demirgazyk tirele-
ri bilen Babyl patyşasy bolan bendäm
Nebukadnesary çagyraryn. Muny Reb
aýdýandyr. Olary bu ýurduň, onuň ila-
tynyň, daş-töwerekdäki ähli milletleriň
üstüne alyp gelerin. Bu halklary bütinleý
ýok edip, bu ýurdy howpa, ryswaçylyga
we ebedilik harabaçylyga öwrerin. 10 Şat-
lykdyr gülki sesini, öýlenýän ýigit bilen
gelniň toý sesini, degirmen daşlarynyň se-
sini we çyranyň yşygyny olardan aýraryn.
11 Bu ýurt tutuşlygyna harabaçylyga we
gorkunç ýere öwrüler. Bu milletler ýetmiş
ýyllap Babyl patyşasyna gulluk ederler.
12 Ýetmiş ýyldan soň, Men Babyl paty-
şasyny, onuň milletini we babyllylaryň
ýurduny etmişleri üçin jezalandyraryn,
ony ebedilik harabaçylyga öwrerin. Muny
Reb aýdýandyr. 13 Onuň garşysyna aýdan
ähli sözlerimi, Ýermeýanyň ähli milletler
barada eden pygamberligini, bu kitapda
ýazylan zatlaryň baryny ol ýurduň başyna

getirerin. 14Çünki köp milletler we beýik
patyşalar olary gula öwrerler. Men olara
etmişlerine görä, elleriniň işine görä al-
mytlaryny bererin“».

***Rebbiň gazap käsesi***

15Ysraýyl Hudaýy Reb maňa şeýle
diýdi: «Gazapdan pürepür bu käsäni
Meniň elimden al-da, seni ýanlaryna
iberjek ähli milletlerime ony şerap dek
içir. 16Olar ony içip, ikiýana yranarlar we
aralaryna iberjek gylyjymdan dälirärler».
17Onsoň men käsäni Rebbiň elinden
aldym, ony Rebbiň meni iberen ähli
milletlerine içirdim. 18Bu günki bolşy
ýaly harabaçylyk, howp, ryswaçylyk,
näletlenen ýer bolsun diýip, ondan Iýe-
rusalime, Ýahuda şäherlerine, patyşalary
bilen ýolbaşçylaryna içirdim. 19Başga-da
Müsür patyşasy faraona, onuň emeldar-
laryna, ýolbaşçylaryna, tutuş halkyna;
20ähli keseki halka, Us ýurdunyň hemme
patyşalaryna, bütin piliştliler ýurdunyň
patyşalaryna: Aşkelona, Gaza, Ekrona,
Aşdodyň aman galanlaryna; 21Edoma,
Mowaba, ammonlara; 22ähli Sur hem
Sidon patyşalary bilen deňziň aňyrsyn-
daky halklaryň patyşalaryna; 23Dedana,
Teýma, Büze hem-de saç-sakgallaryny
gyrkan ähli halklara; 24Arabystanyň
we çölde ýaşaýan keseki halklaryň äh-
li patyşalaryna; 25bütin Zimri, Eýlam,
Madaý patyşalaryna; 26demirgazygyň
ýakynu-uzak patyşalarynyň hemmesi-
ne we ýer ýüzündäki ähli patyşalyklara
nobatma-nobat içirdim. Iň soňky bolup
ondan Şeşak [a] patyşasy içjekdir.
27«Soňra sen olara Ysraýyl Hudaýy
Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: „Içip,
serhoş boluň, gusuň we araňyza iberjek
gylyjymdan ýykylyň, gaýdyp ýeriňizden
galmaň“. 28Eger olar eliňdäki käsäni
alman, içmekden ýüz öwräýseler, ola-
ra Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý:
„Hökman içersiňiz! 29Ine, Men Öz adym
dakylan şäheriň üstünden betbagtlyk in-
dermäge başlaýaryn. Siz jezasyz galarys
öýdýärsiňizmi? Jezasyz galmarsyňyz,
çünki Men ýer ýüzünde ýaşaýan her
bir ynsanyň üstünden gylyç indererin“.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
30Şonuň üçin hem olara garşy bu sözle-
riň baryny pygamberlik et-de, şeýle diý:

„Reb ýokardan nagra çeker,
mukaddes mekanyndan seslener,
agylyna garşy güňleç arlar.
Bütin dünýäniň ilatyna garşy
üzüm sykýanlar kimin gygyrar.
31 Arryldysy ýer ýüzüniň uçlaryna
ýeter,
çünki Rebbiň milletler bilen
dawasy bar.
Ol ähli adamzada höküm çykarar,
erbetleri gylyçdan geçirer“.
Muny Reb aýdýandyr.

32 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:

„Ine, bela milletden-millete
ýaýraýar,
ýeriň aňry ujundan uly harasat
gopar“.

33Ol gün Rebbiň öldürenleri ýeriň bir
ujundan beýleki ujuna ýeter. Olar üçin
ýas tutulmaz, ýygnalyp jaýlanylmaz.
Olar zir-zibil ýaly çaşyp ýatarlar.

34 Möňňüriň, eý, çopanlar! Dady-
-perýat ediň!
Eý, süriniň baştutanlary, küle
togalanyň!
Çünki geldi öldüriljek,
dargadyljak günüňiz,
ýykylyp parçalanarsyňyz
gymmatly gap kimin.

[a] **25:26** ***Şeşak*** – bu Babylyň beýleki ady.

35 Çopanlar gaçyp bilmezler,
süri baştutanlary gutulyp
bilmezler.
36 Eşit çopanlaryň perýat edýän
sesini,
süri baştutanlarynyň
uwwuldysyny!
Çünki Reb weýran edýär olaň
örüsini.
37 Rebbiň gahar-gazabyndan ýaňa
parahat agyllar dargady.
38 Reb arslan deý süreninden çykdy.
Onuň lowlaýan gazabyndan
ýaňa,
zalymlaryň gaharyndan ýaňa,
olaň ýurdy harabalyga döndi».

## 26-njy bap

### *Halk Ýermeýany öldürmek isleýär*

1 Ýahuda patyşasy Ýoşyýyanyň ogly
Ýehoýakymyň patyşalygynyň başynda
Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Reb şeý-
le diýýär: Rebbiň öýüniň howlusynda
dur-da, sežde etmek üçin Ýahuda şä-
herlerinden ol ýere gelen her kese aýt.
Saňa aýtmagy buýran sözlerimiň ýeke-
jesini-de gaçyrman, baryny olara ýetir.
3 Belki, diňlärler we ýaman ýollaryndan
dönerler. Şonda Men hem olaryň pis
işleri zerarly başlaryndan betbagtlyk
indermek niýetimden el çekerin. 4 Olara
Reb şeýle diýýär diý: „Eger siz Maňa
gulak goýmasaňyz, beren kanunyma
görä ýöremeseňiz, 5 size gaýta-gaýta
ýollan gullarym pygamberleriň sözlerini
öňki ýaly ýene-de diňlemeseňiz, 6 onda
Men bu öýi Şilo kimin ýok ederin. Bu
şäheri bolsa ýer ýüzüniň ähli milletle-
riniň arasynda nälete duçar ederin“».

7 Ruhanylar, pygamberler we ähli halk
Rebbiň öýünde Ýermeýanyň aýdan bu
sözlerini eşitdiler. 8 Ýermeýa Rebbiň ähli
halka aýt diýip, özüne buýran zatlarynyň
baryny aýdyp bolanynda, ruhanylar, py-
gamberler we ähli halk ony tutup: «Sen
hökman ölersiň! 9 Näme üçin sen: „Bu
öý Şilo kimin bolar we bu şäher ilatsyz
harabaçylyga öwrüler“ diýip, Rebbiň
adyndan pygamberlik etdiň?» diýdiler.
Rebbiň öýünde ähli halk Ýermeýanyň
daşyny gabady.

10 Ýahudanyň ýolbaşçylary bu zatlary
eşidenlerinde, patyşanyň köşgünden
çykyp, Rebbiň öýüne geldiler we Tä-
ze derwezäniň girelgesinde oturdylar.
11 Onsoň ruhanylar, pygamberler ýol-
başçylar bilen ähli halka ýüzlenip: «Öz
gulaklaryňyz bilen eşidişiňiz ýaly, ol
adamy bu şähere garşy pygamberlik
edendigi üçin, ölüm jezasyna hüküm
etmeli» diýdiler. 12 Şonda Ýermeýa ähli
ýolbaşçylara we tutuş halka ýüzlenip,
şeýle diýdi: «Bu öý bilen şäher hakda
ýaňky eşiden sözleriňizi pygamberlik
etmegim üçin meni Reb ýollady. 13 Indi
ýollaryňyzy we işleriňizi düzediň, Huda-
ýyňyz Rebbe gulak asyň. Şonda Reb-de
siziň garşyňyza aýdan betbagtçylygyny
goýbolsun eder. 14 Men bolsa, ine, siziň
eliňizde. Nämäni gowy hem dogry gör-
seňiz, maňa şony ediň. 15 Emma şuny
berk bilip goýuň, eger meni öldürseňiz,
bu şäher-de, munda ýaşaýan ilat bilen
siz-de dökülen bigünä gan üçin jogapkär
bolarsyňyz. Hakykatdan hem, bu sözle-
riň baryny siziň gulagyňyza ýetirmegim
üçin meni Reb ýollady».

16 Onsoň ýolbaşçylar bilen ähli halk
ruhanylara: «Bu adam bize Hudaýymyz
Rebbiň adyndan gepländigi üçin, ol
ölüme hüküm edilmeli däldir» diýdiler.
17 Onsoň ýurduň birnäçe ýaşulusy öňe
çykyp, ol ýerde ýygnanan halka şeýle
diýdi: 18 «Ýahuda patyşasy Hizkiýanyň
döwründe moreşetli Mika pygamberlik

edip, ol ähli halka Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diýip ýüzlendi:
„Sion ekin meýdany kimin sürler.
Iýerusalim harabaçylyga
öwrülip,
dag depesindäki ybadathanany
jeňňellik basar“ [a].
19 Ýahuda patyşasy Hizkiýa we tutuş Ýa-
huda Mikany öldürdimi? Ýok, Hizkiýa
Rebden gorkup, Oňa ýalbardy. Reb-de
halkyň garşysyna aýdan betbagtçy-
lygyny goýbolsun etdi. Biz bolsak öz
janymyza elhenç betbagtlyk getirýäris!»
20 Rebbiň adyndan pygamberlik eden
ýene bir adam bardy, ol kirýatýegarym-
ly Şemagýanyň ogly Uryýady. Ol hem
edil Ýermeýa ýaly sözläp, bu şäher bilen
ýurduň garşysyna pygamberlik etdi.

21 Ýehoýakym patyşa bilen onuň ähli
edermen urşujylary, emeldarlary onuň
sözlerini eşidenlerinde, patyşa ony öl-
dürjek boldy. Emma Uryýa muny eşiden
badyna, gorkup, Müsüre gaçyp gitdi.
22 Ýehoýakym patyşa Akboryň ogly El-
natany we onuň bilen birnäçe adamy
Müsüre iberdi. 23 Olar Uryýany Müsür-
den çykaryp, Ýehoýakym patyşanyň
ýanyna getirdiler. Ol ony gylyç bilen
öldürip, jesedini hem ýönekeý halkyň
gonamçylygyna zyňdyrdy.

24 Emma Şapanyň ogly Ahykamyň
Ýermeýany goraýandygy sebäpli, ol öl-
dürilmäge halkyň eline berilmedi.

## 27-nji bap

### *Ýermeýa boýuntyryk dakynýar*

1 Ýahuda patyşasy Ýoşyýyanyň ogly
Sidkiýanyň [b] şalygynyň başlangyjynda
Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy. 2 Reb
maňa şeýle diýdi: «Agaçdan bir boýunty-
ryk ýasap, tanap bilen ony boýnuňa dak.
3 Soňra Iýerusalimdäki Ýahuda patyşasy
Sidkiýanyň ýanyna gelen çaparlaryň üsti
bilen Edom, Mowap, Ammon, Sur we
Sidon patyşalaryna boýuntyryklar iber.
4 Çaparlara öz hojaýynlaryna Ysraýyl
Hudaýy Hökmürowan Rebbiň şeýle
diýýändigini buýur: 5 „Men dünýäni, ýer
ýüzünde ýaşaýan ynsanlardyr haýwan-
lary beýik gudratym hem güýjüm bilen
ýaratdym. Olary göwnümiň islän kişi-
sine bererin. 6 Indi bu ýurtlaryň baryny
Babyl patyşasy bendäm Nebukadnesara
berdim. Hyzmat etsinler diýip, ýabany
haýwanlary-da oňa berdim. 7 Ýurdunyň
soňy gelýänçä, ähli milletler onuň özü-
ne, ogluna we agtygyna gulluk ederler.
Soňra bolsa, köp milletler we beýik
patyşalar ony özlerine gul ederler.

8 Emma haýsy hem bolsa bir millet
ýa-da patyşalyk Babyl patyşasy Ne-
bukadnesara gulluk etmese, onuň
boýuntyrygyny dakynmasa, Men olary
bu patyşanyň eli bilen doly ýok edýän-
çäm, şol milleti gylyç, açlyk we mergi
bilen jezalandyraryn. Muny Men – Reb
aýdýandyryn“. 9 „Şonuň üçin hem siz
‘Babyl patyşasyna gulluk etmäň’ diý-
ýän pygamberleriňizi, palçylaryňyzy,
düýş ýorujylaryňyzy, jadygöýleriňizi,
müneçjimleriňizi diňlemäň. 10 Olar size
ýalandan pygamberlik edýärler. Munuň
netijesinde Men sizi ýurduňyzdan aýryp,
sürgün ederin we siz heläk bolarsyňyz.
11 Emma Babyl patyşasynyň boýuntyry-
gyny dakynyp, oňa gulluk eden milleti
öz topragynda goýaryn. Olar topragy
bejerip, ol ýerde ýaşarlar. Muny Reb
aýdýandyr“».

[a] **26:18** Seret: Mik 3:12.
[b] **27:1** ***Sidkiýa*** – käbir golýazmalarda *Ýehoýakym*.

[12]Men Ýahuda patyşasy Sidkiýa
hem hut şol sözleri aýdyp, şeýle diý-
dim: «Boýnuňyza Babyl patyşasynyň
boýuntyrygyny dakynyp, onuň özüne
hem halkyna gulluk ediň we diri galyň.
[13]Reb Babyl patyşasyna gulluk etmejek
her bir milletiň öljekdigini aýtdy ahyryn.
Näme, sen hem öz halkyň bilen gylyçdan,
açlykdan, mergiden ölmekçimi? [14]Siz:
„Babyl patyşasyna gulluk etmäň“ diý-
ýän pygamberleriň sözlerini diňlemäň,
çünki olar size ýalandan pygamberlik
edýärler. [15]Olary Men ýollamadym, olar
size Meniň adymdan galp pygamberlik
edýärler. Munuň netijesinde Men sizi-de,
size pygamberlik edýän bu pygamberle-
ri-de kowup çykararyn, siziň baryňyz
heläk bolarsyňyz. Muny Men – Reb
aýdýandyryn».

[16]Soňra men ruhanylara we tutuş halka
Reb şeýle diýýär diýip ýüzlendim: «Siz
özüňize: „Rebbiň ybadathanasyndaky
gap-gaçlar basym Babyldan yzyna geti-
riler“ diýýän pygamberleriňiziň sözlerini
diňlemäň. Olar size ýalandan pygamber-
lik edýärler. [17]Olary diňlemäň, Babyl
patyşasyna gulluk edip, diri galyň. Bu
şäher näme üçin weýran bolsun? [18]Eger
olar pygamber bolýan bolsalar, Rebbiň
sözi olarda bolsa, onda Rebbiň ybadatha-
nasynda, Ýahuda patyşasynyň köşgünde
we Iýerusalimde galan gap-gaçlar Babyla
äkidilmesin diýip, Hökmürowan Rebbe
ýalbarsynlar.

[19-20]Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
Ýahuda patyşasy Ýehoýakymyň ogly
Ýekonýa we Ýahudanyň, Iýerusalimiň
begzadalaryny Iýerusalimden Baby-
la ýesir edip äkidende alyp gitmedik
zatlary: sütünler, howuz, araba we
beýleki gap-gaçlar bar. Hökmürowan
Reb olar hakda söz açýar. [21]Hawa, Ys-
raýyl Hudaýy Hökmürowan Reb Öz
ybadathanasynda, Ýahuda patyşasynyň
köşgünde we Iýerusalimde galan şol
gap-gaçlar hakda şeýle diýýär: [22]„Olar
Babyla äkidiler, olara gaýtadan nazar
saljak günüme çenli, şol ýerde galar.
Onsoň Men olary çykaryp, bu ýere gaý-
taryp getirerin“. Muny Reb aýdýandyr».

## 28-nji bap

### *Azuryň ogly Hananýa galp pygamber*

[1]Şol ýylyň, ýagny dördünji ýylyň bä-
şinji aýynda Ýahuda patyşasy Sidkiýanyň
patyşalygynyň başlangyjynda gibgonly
Azuryň ogly Hananýa pygamber Reb-
biň ybadathanasyndaky ruhanylar bilen
ähli halkyň öňünde maňa şeýle diýdi:
[2]«Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Babyl patyşasynyň bo-
ýuntyrygyny döwdüm. [3]Babyl patyşasy
Nebukadnesaryň bu ýerden alyp, Ba-
byla äkiden Rebbiň ybadathanasynyň
ähli gap-gaçlaryny iki ýylyň içinde bu
ýere yzyna getirerin. [4]Ýahuda patyşa-
sy Ýehoýakymyň ogly Ýekonýa bilen
Ýahudadan Babyla sürgün edilenleriň
ählisini yzyna bu ýere getirerin, çünki
Babyl patyşasynyň boýuntyrygyny dö-
werin“. Muny Reb aýdýandyr».

[5]Onsoň Ýermeýa pygamber ruhanyla-
ryň we Rebbiň ybadathanasynda duran
ähli halkyň gözleriniň alnynda Hananýa
pygamber bilen gepleşdi. [6]Ýermeýa py-
gamber şeýle diýdi: «Omyn! Aýdanyň
gelsin! Goý, Reb Öz ybadathanasynyň
gap-gaçlaryny we sürgüne gidenleriň
baryny Babyldan bu ýere yzyna getirip,
seniň pygamberlik edip aýdan sözleriňi
amala aşyrsyn! [7]Indi bolsa saňa we ähli
halka eşitdirip aýtjak bu sözümi diňle.
[8]Mendenem, sendenem öň ýaşap ge-
çen pygamberler köp ýurtlara we beýik
patyşalyklara garşy urşy, betbagtlygy,

mergini owaldan bäri pygamberlik
edipdiler. 9Emma sag-salamatlygy py-
gamberlik edýäniň sözi hakykatdan-da
amala aşanda, diňe şonda ol pygamberi
Rebbiň ýollandygy belli bolar».
10Şonda Hananýa pygamber Ýermeýa-
nyň boýnundaky boýuntyrygy çykaryp,
ony döwdi. 11Onsoň Hananýa ähli halkyň
öňünde söz sözläp: «Reb şeýle diýýär:
„Men iki ýylyň içinde Babyl patyşasy
Nebukadnesaryň boýuntyrygyny ähli
milletleriň boýnundan aýryp, şeýle dö-
werin“» diýdi. Ýermeýa pygamber bolsa
öz ýoluna gitdi. 12Hananýa pygamber
Ýermeýa pygamberiň boýnundaky bo-
ýuntyrygy döweninden soňra, Ýermeýa
Rebbiň sözi aýan boldy: 13«Bar, Hananýa
Reb şeýle diýýär diýip aýt: „Sen agaç
boýuntyrygy döwdüň, emma onuň ýeri-
ne demir boýuntyryk ýasarsyň! 14Çünki
Ysraýyl Hudaýy Men Hökmürowan Reb
bu milletleriň hemmesi Babyl patyşasy
Nebukadnesara gulluk etsinler diýip,
boýnuna demir boýuntyryk saldym, olar
oňa gulluk ederler. Onuň ygtyýaryna
hatda ýabany haýwanlary-da berdim“».
15Onsoň Ýermeýa pygamber Hananýa
pygambere şeýle diýdi: «Eý, Hananýa,
indi eşit! Seni Reb ýollamady, emma
sen bu halky ýalan geplere ynandyrdyň.
16Munuň üçin Reb şeýle diýýär: „Ine,
Men seni ýer ýüzünden sogrup taşlaryn.
Şu ýyl ölersiň, çünki sen Rebbiň garşy-
syna geplediň“». 17Şeýlelikde, Hananýa
pygamber şol ýylyň ýedinji aýynda öldi.

**29-njy bap**

***Ýermeýanyň sürgündäkilere ýazan haty***

1Ýermeýa pygamber sürgündäkileriň
arasynda aman galan ýaşululara, ruhany-
lara, pygamberlere we Nebukadnesaryň
Iýerusalimden Babyla äkiden ähli hal-
kyna Iýerusalimden bir hat ýollady. 2Bu
hat Ýekonýa patyşa bilen onuň ejesi,
köşk emeldarlary, Ýahudanyň we Iýe-
rusalimiň ýolbaşçylary, hünärmentler
hem-de demirçiler Iýerusalimden sür-
gün edilenden soň iberildi. 3Bu Ýahuda
patyşasy Sidkiýanyň Babyl patyşasy
Nebukadnesaryň ýanyna iberen Şapa-
nyň ogly Elasanyň we Hilkiýanyň ogly
Gemarýanyň eli bilen gowşuryldy. Onda
şeýle diýilýär:
4«Ysraýyl Hudaýy Men Hökmürowan
Reb Iýerusalimden Babyla ýesir edip
äkiden ähli adamlaryma şeýle diýýärin:
5„Öýler gurup, olarda ýaşaň; baglar ekip,
miwesini iýiň. 6Öýleniň, ogullaryňyz
hem gyzlaryňyz bolsun. Ogullaryňy-
zy öýlendiriň, gyzlaryňyzy durmuşa
çykaryň. Olardan-da ogullar we gyz-
lar dünýä insin. Ol ýerde azalmaň-da,
gaýtam köpeliň. 7Sizi ýesir edip getiren
şäherimiň parahatlygyny gazanmak-
lyga çalşyň. Ol şäher üçin Rebbe dileg
ediň, çünki siziň parahatlygyňyz onuň
parahatlygyna baglydyr“. 8Ysraýyl Hu-
daýy Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
„Araňyzdaky pygamberleriňize, palman-
laryňyza özüňizi aldatmaň, siziň üçin
görýän düýşlerine gulak asmaň. 9Olar
size Meniň adymdan ýalan pygamberlik
edýärler. Olary Men ýollamadym, muny
Reb aýdýandyr“.
10Çünki Reb şeýle diýýär: „Babylda-
ky sürgünligiňiziň ýetmiş ýyly dolanda,
Men size nazar salaryn. Sizi bu ýere
gaýtaryp getirmeklige beren hoş sözü-
mi Men amala aşyraryn. 11Çünki siziň
üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin.
Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýaman-
lyk etmek däl-de, umytly geljek bermek
üçin parahatlyk niýetleridir. 12Onsoň
Meni çagyrarsyňyz, gelip, Maňa doga

okarsyňyz, Men-de sizi eşiderin. 13 Me-
ni agtararsyňyz; bütin ýüregiňiz bilen
agtaran mahalyňyz Meni taparsyňyz.
14 Şonda siz Meni taparsyňyz, muny
Men – Reb aýdýandyryn. Men size öň-
ki abadançylygyňyzy gaýtaryp bererin,
sizi kowan ýerlerimiň baryndan, ähli
milletleriň arasyndan yzyňyza ýygna-
ryn. Muny Reb aýdýandyr. Men sizi
nireden sürgün eden bolsam, şol ýere
hem gaýtaryp getirerin. 15 Emma siz:
'Reb Babylda biziň üçin pygamberler
belledi' diýýärsiňiz. 16 Reb Dawudyň
tagtynda oturan patyşa hakda, bu şäher-
de ýaşaýan ähli halk, ýagny siziň bilen
sürgüne gitmedik doganlaryňyz hakda
şeýle diýýändir". 17 Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Men olaryň üstüne gyly-
jy, açlygy, mergini ýollaryn. Olary iýip
bolmaýan çüýrük injirler kimin ederin.
18 Olary gylyç, açlyk, mergi bilen kowa-
lap, ýer ýüzündäki ähli patyşalyklar üçin
howp salaryn. Dargadyp goýberen ähli
milletlerimiň arasynda olary gargyşa,
howpa, ryswaçylyga we käýinje öwrerin.
19 Çünki olar Meniň sözlerimi we gaý-
ta-gaýta özlerine ýollan gullarym bolan
pygamberleriň sözlerini diňlemediler.
Muny Reb aýdýandyr. Eý, sürgündäkiler,
siz hem gulak asmadyňyz. Muny Reb
aýdýandyr. 20 Şonuň üçin hem, Iýerusa-
limden Babyla sürgün edilen baryňyz
Men-Rebbiň sözüni diňläň".

21 Meniň adym bilen size ýalandan
pygamberlik edýän Kolaýanyň ogly
Ahap bilen Magaseýanyň ogly Sidkiýa
hakda Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Men olary Babyl
patyşasy Nebukadnesaryň eline tabşy-
raryn. Ol hem gözüňiziň alnynda olary
öldürer. 22 Ýahudadan Babyla sürgün
edilenleriň bary olaryň adyny gargyş
hökmünde ulanyp: 'Goý, Reb seni Babyl
patyşasynyň diriligine oda ýakan Sid-
kiýa we Ahap kimin etsin!' diýerler.
23 Olar Ysraýylda ýaramaz işlere baş
goşdular, goňşularynyň aýallary bilen
zyna etdiler, özlerine buýurmasam hem
Meniň adymdan ýalan sözleri aýtdylar.
Bilýän hem güwä geçýän Mendirin".
Muny Reb aýdýandyr».

24-25 «Nehelamly Şemagýa Ysraýyl
Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Sen Iýerusalimdäki ähli halka,
Magaseýanyň ogly Sepanýa ruhana we
ähli ruhanylara öz adyňdan hatlar ýollap,
şeýle diýdiň:

26 'Ruhany Ýehoýadanyň deregine
seni Rebbiň Özi ruhany edip belle-
di. Rebbiň öýüniň baş gözegçileri
ol ýerde özüni pygamber edip gör-
kezýän her bir däli adamy kündeläp,
demir zynjyra baglasynlar. 27 Onda
näme üçin size pygamberlik edýän
anatotly Ýermeýa çäre görmeýär-
siňiz? 28 Ol bize ýesirligiň uzaga
çekjekdigi, öýler gurup, olarda ýa-
şamagymyzy, baglar ekip, olaryň
miwesini iýmegimizi aýdyp, bu ýe-
re – Babyla habar ýollady ahyryn'"».

29 Sepanýa ruhany bu haty Ýerme-
ýa eşitdirip okady. 30 Onsoň Ýermeýa
Rebbiň şu sözi aýan boldy: 31 «Ähli sür-
gündäkilere habar ýollap, Reb nehelamly
Şemagýa hakda şeýle diýýär diý: „Men
ony ýollamadyk hem bolsam, Şemagýa
size pygamberlik edip, ýalana bil bag-
ladýar". 32 Şonuň üçin hem, Reb şeýle
diýýär: „Nehelamly Şemagýa Men-Reb-
biň garşysyna gepländigi üçin ony we
onuň neslini jezalandyraryn. Bu halkyň
arasynda onuň neslinden ýekeje kişi
hem aman galmaz, Meniň Öz halkyma
etjek ýagşylygymy görmez. Muny Reb
aýdýandyr"».

## 30-njy bap

### *Rebbiň Öz halkyna beren wadasy*

1 Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär:
„Saňa aýdan ähli sözlerimi bir kitaba
ýaz. 3 Çünki halkym Ysraýyl bilen Ýa-
hudanyň öňki abadançylygyny dikeltjek
günlerim ýetip gelýär. Muny Reb aýd-
ýandyr. Men olary ata-babalaryna beren
ýurduma gaýtaryp getirerin, olar hem ol
ýeri eýelärler. Muny Reb aýdýandyr“».
4 Rebbiň Ysraýyl bilen Ýahuda hakyn-
da aýdan sözleri şulardyr. 5 Reb şeýle
diýýär:

«Siz: „Biz sag-salamatlyk däl-de,
howp hem howsala sesini
eşitdik“ diýýäňiz.
6 Indi soraň, görüň,
heý, erkegem çaga dograrmy?
Näme üçin çaga dogurýan aýal
ýaly
erkekleriň ellerini bilinde
görýärin?
Näme üçin hemmäniň ýüzi
soluk?
7 Wah, bu nähili gorkunç gün,
onuň ýaly gün başga ýokdur.
Bu Ýakup üçin aladaly döwürdir,
emma ol ondan ýene-de gutular».

8-9 «Ol gün şeýle bolar, Men seniň
boýnuňdaky boýuntyrygyňy döwerin,
tanaplaryňy gyraryn. Indi kesekiler seni
özlerine gul etmezler. Muňa derek sen
öz Hudaýyň Rebbe we Onuň Dawudyň
neslinden tagtda oturtjak patyşalaryna
hyzmat edersiň». Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr.

10 «Gorkma, eý, gulum Ýakup,
howatyrlanma, eý, Ysraýyl!
Çünki Men seni uzak ýerlerden,
nesliňi sürgün bolan ýurtdan
halas ederin.
Ýakup yzyna dolanyp,
dynçlykda hem asudalykda bolar,
indi ony hiç kim gorkuzmaz.
Muny Reb aýdýandyr.
11 Men seniň bilendirin,
Men seni halas ederin.
Seni aralaryna dargadan
milletlerimiň
baryny ýok etsem-de,
seniň soňuňa çykmaryn.
Saňa adalatly temmi bererin,
emma jezasyz-da galdyrmaryn».
Muny Reb aýdýandyr.
12 Reb şeýle diýýär:
«Seniň ýaraňy bejerip bolmaz,
derdiň gutulgysyzdyr.
13 Seniň dawaňy çözüp berjek ýok;
ýaraňa şypa berjek melhem ýok.
14 Ähli oýnaşlaryň seni unutdy,
olar seni sorap agtarmaýarlar,
ýazygyňyň çökderdigi sebäpli,
günäleriňiň san-sajaksyzdygy
üçin
seni duşman zarbasy bilen urdum,
saňa rehimsizlik bilen jeza
berdim.
15 Näme ýaraň üçin perýat edýärsiň?
Derdiňe şypa tapylmaz.
Ýazygyňyň çökderdigi zerarly,
günäleriňiň sansyzdygy sebäpli
seni şu güne saldym.
16 Emma seni iýenleriň ählisi iýler,
ähli duşmanlaryň sürgün ediler,
seni talanlar talanarlar,
olja alanlar olja bolarlar.
17 Saňa „Taşlanan“ diýen ady dakyp:
„Bu Sion [a], halyny soraýan ýok“
diýdiler.

---

[a] **30:17** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

Emma Men seni ýene-de
sagaldaryn,
ýaralaryňa şypa bererin».
Muny Reb aýdýandyr.
18 Reb şeýle diýýär:
«Ýakubyň çadyrlarynyň
abadançylygyny dikelderin,
onuň ýaşaýan mesgenlerine
rehim ederin.
Şäher öz depelerinde bina ediler,
berk gala öz ýerinde oturdylar.
19 Olardan şükür hem şatlyk sesleri
geler.
Men olary köpelderin, olar
azalmaz,
olara hormat goýduraryn, olar
peselmez.
20 Çagalary öňküsi ýaly bolar,
jemagaty huzurymda berkarar
bolar,
olara sütem edýänleri
jezalandyraryn.
21 Baştutany olaryň özünden bolar,
hökümdary öz aralaryndan
çykar.
Men ony Özüme
ýakynlaşdyraryn,
ol hem Maňa ýakynlaşar.
Men çagyrmasam,
ýakynlaşmaga kim milt edip biler?
Muny Reb aýdýandyr.
22 Siz Meniň halkym bolarsyňyz,
Men-de siziň Hudaýyňyz
bolaryn».
23 Ine, Rebbiň gyzgyn gazaby,
harasady gopup,
gazaply lowlaýan harasady
erbetleriň başyna iner
24 Ýüreginiň niýetini amala
aşyrýança,
Rebbiň gahar-gazaby ýatyşmaz.
Siz muňa ahyrky günlerde
düşünersiňiz.

**31-nji bap**

1 «Şol döwürde Men ähli Ysraýyl tire-
leriniň Hudaýy bolaryn, olar-da Meniň
halkym bolar».
Muny Reb aýdýandyr.
2 Reb şeýle diýýär:
«Özlerine rahatlyk gözläp, uzak
ýol sökenlerinde,
gylyçdan gutulan halk çölde
merhemet tapar».
3 Reb uzakdan maňa görnüp, şeýle
diýdi:
«Men seni tükeniksiz söýgi
bilen söýdüm,
şeýdip, saňa sadyklygymy
görkezdim.
4 Men seni ýene dikelderin,
sen täzeden dikelersiň,
eý, Ysraýyl boý gyzy!
Sen ýene deprekleriňi alyp,
şadyýan tans edýänlere
goşularsyň.
5 Samariýa daglarynda ýene-de
üzüm agaçlaryny ekersiň.
Bag ekenler miwesinden-de
iýerler.
6 Gözegçileriň Efraýym daglarynda:
„Turuň, Hudaýymyz Rebbiň
ýanyna,
Siona çykalyň“ –
diýip gygyrjak günleri geler».
7 Çünki Reb şeýle diýýär:
«Ýakup üçin begençli aýdym
aýdyň,
milletleriň baştutany üçin batly
gygyryň.
Jar ediň, öwgüler aýdyp, şeýle
diýiň:
„Ýa Reb, halas et halkyňy,
Ysraýylyň aman galanlaryny“.
8 Ine, Men olary demirgazyk
ýurdundan getirerin,

dünýäniň aňry uçlaryndan
ýygnaryn;
olaryň arasynda kör, agsak,
göwreli we çaga dogurýan hem
bolar;
olar uly mähelle bolup bu ýere
dolanar.
9 Olar aglaý-aglaý gelerler,
yzlaryna getirenimde doga
okarlar.
Olary akar suwlaryň boýy bilen,
taýmazlar ýaly tekiz ýoldan
ýörederin.
Çünki Men Ysraýylyň
Atasydyryn,
Efraýym-da Meniň
nowbaharymdyr.
10 Rebbiň sözüni diňläň, eý, milletler,
ony uzakdaky kenarlarda yglan
edip diýiň:
„Ysraýyly dargadan Hudaý ony
ýygnar,
çopanyň öz sürüsini goraýşy
ýaly gorar“.
11 Çünki Reb Ýakuby halas eýledi,
ony özünden güýçliniň elinden
azat etdi.
12 Olar gelip, Sionyň belent
depesinde aýdym aýdarlar,
Rebbiň beren bereketlerine:
bugdaýa, şeraba, ýaga,
owlak-guza we gölelere begenip,
göwnühoş bolarlar.
Olar suwarylan bag kimin
bolarlar, asla solmazlar.
13 Şonda ýaş gyzlar tans edip
bökjekleşerler,
gojalardyr ýaş ýigitler birlikde
şatlanarlar.
Çünki Men olaryň ýasyny şatlyga
öwrerin,
gaýgylaryna teselli berip, olary
şatlandyraryn.
14 Ruhanylary doýraryn bol
iýmitden,
halkym hem doýar
näz-nygmatdan».
Muny Reb aýdýandyr.
15 Reb şeýle diýýär:
«Ramadan bir ses eşidildi,
agy we ajy perýat sesleri,
Rahel çagalary üçin aglaýar,
teselli berilmegini islemeýär,
çünki indi olar ýok».
16 Reb şeýle diýýär:
«Sesiňi agydan, gözleriňi
ýaşdan sakla,
çünki çekýän zähmetiňiň öwezi
tölener,
çagalaň duşman ýurdundan
yzyna geler.
Muny Reb aýdýandyr.
17 Seniň geljegiň üçin umyt bardyr,
çagalaň öz dogduk mekanyna
dolanar.
Muny Reb aýdýandyr.
18 Men Efraýymyň nalaýan sesini
eşitdim:
„Men baş öwredilmedik öküz
ýalydym.
Sen maňa terbiýe berdiň,
men sapak aldym.
Meni dogry ýola sal, ýola
geleýin,
çünki meniň Hudaýym Reb
Sensiň.
19 Ýolumy urduramdan soň puşman
eýledim,
akylyma aýlananymda dyzyma
urdum.
Ýaşlygymda eden aýyp
işlerimden ýaňa
utandym hem ile ryswa
boldum“.
20 Efraýym Meniň eziz oglum
dälmidir?

Ol Meniň hoşal bolan balam
dälmidir?
Onuň adyny agzan çagymda,
ony söýgi bilen ýatlaýaryn Men.
Şonuň üçin ýüregim ony küýseýär,
oňa, elbetde, rehim ederin.
Muny Reb aýdýandyr.
21 Özüň üçin çelgiler goý,
ýol görkezýän sütünler dik,
ýoluňy, ýörän şaýoluňy gowuja
anykla.
Yzyňa dolan, eý, Ysraýyl boý
gyzy,
öz şäherleriňe tarap öwrül!
22 Sen haçana çenli ikirjiňlenip
ýörjek,
eý, biwepa gyz?
Reb dünýäde täze zat ýaratdy:
aýal goraýar erkegi».
23 Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Men olara öňki abadançy-
lygyny gaýtaryp berenimde, olar Ýahuda
ýurdunda we onuň şäherlerinde ýene-de
şu sözleri aýdarlar:
„Reb seni ýalkasyn, eý, dogrulyk
mekany,
eý, mukaddes dag!“
24 Daýhanlar bilen sürülerini bakýan ço-
panlar Ýahudada we onuň şäherlerinde
bile ýaşarlar.
25 Argyn jana dynçlyk bererin,
ähli mejalsyzlary doýraryn».
26 Şol pursat men oýanyp seretdim welin,
ukym şeýle süýji eken.
27 Reb şeýle aýdýandyr: «Ysraýylda we
Ýahudada ynsanu-haýwany köpeltjek
günlerim hökman geler. 28 Men olary
sogrup taşlamagyň we ýykmagyň, ýer
bilen ýegsan edip, ýok etmegiň, üstle-
rinden betbagtlyk indermegiň çemini
nähili aňtan bolsam, gurup, bina etmegi
hem şonça aňtaryn. Muny Reb aýdýan-
dyr. 29 Şol günler adamlar: „Atalar turşy
üzüm iýdiler, ogullaryň dişi gamaşdy“
diýip, mundan beýläk bu nakyly aýt-
mazlar. 30 Ýöne her kim öz ýazygy üçin
öler, turşy üzüm iýen her adamyň öz
dişi gamaşar».

### *Täze äht wadasy*

31 Reb şeýle diýýär: «Ysraýyl we ýahu-
da halky bilen Meniň täze äht baglaşjak
günlerim hökman geler. 32 Bu äht Meniň
olaryň ata-babalarynyň ellerinden tutup,
Müsürden çykaran günüm baglaşan äh-
tim ýaly däldir. Men olaryň Hojaýyny
bolsam-da, olar şol ähtimi bozdular».
Muny Reb aýdýandyr. 33 Reb şuny aýd-
ýandyr: «Ine, ol günlerden soň, Meniň
ysraýyl halky bilen baglaşjak ähtim
şudur: Men kanunymy olaryň aňyna
salyp, ýüreklerine ýazaryn. Men ola-
ryň Hudaýy bolaryn, olar-da Meniň
halkym bolar. 34 Mundan beýläk hiç kim
öz garyndaşyna ýa-da dost-ýarlaryna:
„Rebbi tanaň!“ diýip öwretmez, sebäbi
olaryň uludan-kiçä hemmesi Meni tanar.
Men olaryň etmişlerini bagyşlaryn, indi
günälerini ýatlamaryn». Muny Reb aýd-
ýandyr. 35 Gündizine yşyk bolsun diýip,
Güni beren, gijesine yşyk bolsun diýip,
Aýyň we ýyldyzlaryň kanunlaryny dü-
zen, tolkunlar güwwüldeşer ýaly, deňzi
öjükdiren Reb, ady Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: 36 «Eger bu kanunlar Me-
niň huzurymda ýatyrylsa, onda Ysraýyl
nesli-de huzurymda millet bolmakdan
ebedilik aýrylar». Muny Reb aýdýan-
dyr. 37 Reb şeýle diýýär: «Eger ýokarda
gökleri ölçäp bolýan bolsa, aşakda ýeriň
binýatlaryny barlap bolýan bolsa, onda
eden ähli işleri üçin Men hem bütin
Ysraýyl neslini ret ederin». Muny Reb
aýdýandyr. 38 Reb şuny aýdýandyr: «Ha-
nanel diňinden Burç derwezesine çenli
Iýerusalim şäheriniň Men-Reb üçin

täzeden guruljak günleri hökman geler.
39 Bu ýerden ölçeg ýüpi Garep depesine
çenli dogry uzalyp gider we Gowa tarap
öwrüler. 40 Jesetler we küller taşlanan
jülgeleriň hemmesi, Kidron deresine
çenli bolan ähli ýerler, gündogarda-
ky At derwezesiniň çetine çenli Maňa
mukaddes bolar. Şäher indi ýerinden
sökülmez, indi hiç haçan ýykylmaz».

## 32-nji bap

### *Ýermeýa ekin meýdanyny satyn alýar*

1 Ýahuda patyşasy Sidkiýanyň şalygy-
nyň onunjy ýylynda Ýermeýa Rebbiň
sözi aýan boldy. Şol ýyl Nebukadnesaryň
şalygynyň on sekizinji ýylydy. 2 Şol wagt
Babyl patyşasynyň goşuny Iýerusalimi
gabapdy. Ýermeýa pygamber Ýahuda
patyşasynyň köşgündäki garawulhanada
tussaglykda saklanýardy. 3 Ýahuda paty-
şasy Sidkiýa ony tussag edip, şeýle diýdi:
«Sen näme üçin beýle pygamberlik etdiň?
Sen Reb şulary aýdýar diýdiň: „Men bu
şäheri Babyl patyşasynyň eline bererin,
ol ony basyp alar. 4 Ýahuda patyşasy Sid-
kiýa babyllylaryň elinden gaçyp gutulyp
bilmez, gaýtam, ol Babyl patyşasynyň
eline tabşyrylar we ony öz gözleri bilen
görüp, onuň bilen ýüzbe-ýüz gepleşer.
5 Ol Sidkiýany Babyla äkider. Men Sid-
kiýa bilen Özüm hasaplaşýançam, ol şol
ýerde bolar. Babyllylaryň garşysyna
söweşseňiz hem ýeňiş gazanmarsyňyz“.
Muny Reb aýdýandyr». 6 Ýermeýa özüne
Rebbiň şu sözüniň gelendigini aýtdy:
7 «Daýyň Şallumyň ogly Hanamel gelip,
saňa şeýle diýer: „Meniň Anatotdaky
ekin meýdanymy satyn al, sebäbi iň ýa-
kyn garyndaşym bolanyň üçin, ony satyn
almaga sen borçlusyň“». 8 Şeýlelikde,
Rebbiň sözüne görä daýymyň ogly Hana-
mel garawulhana, meniň ýanyma gelip:
«Benýamin topragynda ýerleşýän Anatot
obasyndaky meniň ekin meýdanymy
satyn alsana, sebäbi miras hukugy bo-
ýunça ony satyn almaga sen borçlusyň.
Ony özüň üçin satyn al» diýdi. Şonda
men bu sözüň Rebbiňkidigini bildim.
9 Onsoň men Anatotdaky ekin meýda-
nyny daýymyň ogly Hanamelden satyn
aldym. Ekin meýdany üçin oňa otuz bäş
mysgal[a] kümüş çekip berdim. 10 Şaýatlar
çagyryp, şertnama ýazyp möhürledim
we kümşi terezide çekdim. 11 Men ka-
da-kanunlar ýazylan möhürli we açyk
nusgaly satuw şertnamasyny aldym.
12 Men satuw şertnamasyny daýymyň
ogly Hanameliň, oňa gol çeken şaýat-
laryň we garawulhanada oturan ähli
ýahudalaryň gözleriniň alnynda Mah-
seýanyň agtygy, Neriýanyň ogly Baruga
berdim. 13 Olaryň gözleriniň alnynda Ba-
ruga tabşyryp, şeýle diýdim: 14 «Ysraýyl
Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
„Bu iki şertnamany – möhürlenen satuw
şertnamasy bilen açyk şertnamany al-da,
uzak wagtlap saklanar ýaly, bir toýun
gaba salyp goý“. 15 Çünki Ysraýyl Hu-
daýy Hökmürowan Reb: „Bu ýurtda
ýene öýler, ekin meýdanlary we üzüm
baglary satyn alnar“ diýýär». 16 Satuw
şertnamasyny Neriýanyň ogly Baruga
berenimden soň, Rebbe dileg edip, şeýle
diýdim: 17 «Eý, Hökmürowan Reb! Beýik
gudratyň we güýjüň bilen ýeri we gögi
ýaratdyň. Seniň üçin hiç bir kyn zat
ýok. 18 Sen müňlerçe ynsanlara sadyk
söýgiňi görkezýärsiň, emma atalaryň
etmişiniň jezasyny olaryň çagalaryna
çekdirýärsiň. Eý, beýik we gudratly Hu-
daý! Seniň adyň Hökmürowan Rebdir.

[a] **32:9** ***Otuz bäş mysgal*** – ýewreýçe *on ýedi şekel*. Bu takm. 200 gr deňdir.

19 Seniň taglymatyň neneňsi beýik, işle-
riň nähili gudratly! Gözleriň ynsanlaryň
edýän ähli işlerini görýändir. Her kese öz
tutan ýoluna görä, işiniň miwesine görä
sylaglaýarsyň. 20 Sen Müsür ýurdunda
alamatlar, mugjyzalar görkezdiň. Bu
alamatlary Ysraýylda we tutuş adamzat
arasynda hem görkezip, şu güne çenli
Özüňe at gazandyň. 21 Sen alamatlardyr
mugjyzalar bilen, güýç-gudrat we äpet
elhençlikleriň güýji bilen Öz halkyň
Ysraýyly Müsür ýurdundan çykardyň.
22 Ata-babalaryna wada eden bu süýt
we bal akýan ýurdy olara berdiň. 23 Olar
gelip, ony eýelediler, emma Saňa gulak
asmadylar. Seniň kanunyňa eýermediler,
berjaý etmekleri üçin buýran tabşyryk-
laryňyň hiç birini ýerine ýetirmediler.
Şonuň üçin hem, Sen bu betbagtçylyk-
laryň ählisini olaryň başyndan inderdiň.
24 Ine, duşmanlar şäheri ele salmak
üçin ýapgytlar gurdular. Gylyç, açlyk
we mergi sebäpli şäher öz garşysyna
söweşýän babyllylaryň eline berildi. Öz
görşüň ýaly, Seniň aýdanlaryň äh❬lisi
berjaý boldy. 25 Ýa Hökmürowan Reb!
Şäher babyllylaryň eline berilse-de, Sen
maňa: „Şaýatlaryň gatnaşmagynda ekin
meýdanyny kümüş berip, özüňe satyn
al“ diýdiň».
26 Onsoň Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan
boldy: 27 «Ine, bütin adamzadyň Hudaýy
Reb Mendirin. Meniň üçin kyn zat bar-
my? 28 Şonuň üçin hem Men-Reb şeýle
diýýärin: „Men bu şäheri babyllylaryň
we Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
eline bererin, ol ony basyp alar. 29 Bu
şäheriň garşysyna söweşýän babyllylar
gelip, ony otlarlar. Meniň gaharymy ge-
tirip, üçeklerinde Bagal butuna hoşboý
ysly tütetgiler ýakan we başga hudaýlara
içgi sadakalaryny hödürlän halkymyň
öýlerini oda ýakarlar. 30 Çünki ysraýyl
we ýahuda halklary ýaşlygyndan bäri
Meniň nazarymda diňe erbet işleri et-
diler. Ysraýyl halky elleriniň işi bilen
hemişe Meniň gaharymy getirdi. Mu-
ny Reb aýdýandyr. 31-32 Ýahudanyň we
Iýerusalimiň ilaty, olaryň patyşalary,
han-begleri, ruhanylary, pygamberleri,
ýagny ysraýyl we ýahuda halklarynyň
bary diňe pislik edip, Meniň gaharymy
getirdi. Bu şäheriň bina edilen gününden
tä şu güne çenli Meniň gaharymy geti-
rendigi üçin, ony nazarymdan ýok edip
taşlajak. 33 Olar Maňa ýüzlerini däl-de,
ýeňselerini öwürdiler. Meniň gaýta-gaý-
ta öwredenlerime olar gulak asmadylar,
dogry ýola gelmediler. 34 Meniň adym
dakylan öýde öz nejis zatlaryny goýup,
öýümi murdar etdiler. 35 Ogul-gyzlaryny
Molek hudaýyna ýakma gurbanlyk edip
bermek üçin, olar Benhinnom deresin-
de Bagal butuna seždegähler gurdular.
Şeýle nejis işler edip, Ýahudanyň günä
gazanmagyny Men buýurmadym, bular
ýaly zatlar kelläme-de gelmedi“.
36 Şonuň üçin hem, siziň „Gylyç, aç-
lyk, mergi bilen Babyl patyşasynyň
eline berildi“ diýýän bu şäheriňiz hak-
da Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär:
37 „Men halkymy gahar-gazabym, otly
gazabym bilen dargadan ýurtlarym-
dan ýygnaryn. Olary bu ýere yzlaryna
getirerin we howpsuzlykda ýaşadaryn.
38 Olar Meniň halkym bolar, Men-de
olaryň Hudaýy bolaryn. 39 Olar hemişe
Menden gorkar ýaly, bir ýürek we bir
ýol bererin. Bu olaryň özleri üçin hem,
özlerinden soňky çagalary üçin hem
ýagşylyk bolar. 40 Ýagşylyk etmekden
ýüz döndermejekdigime olar bilen ebedi
äht baglaşaryn. Menden hiç ýüz öwrüp
gitmezlikleri üçin, ýüreklerine Menden
gorkmagy salaryn. 41 Men olara ýagşylyk
etmekden şatlanaryn we hakykatdan

hem tutuş janym-tenim bilen olary bu
ýurtda ornaşdyraryn“.
42 Çünki Reb şeýle diýýär: „Bu halkyň
başyna şu elhenç betbagtlygy nähili
getiren bolsam, olara häzirki söz beren
ähli ýagşylyklarymy-da şeýle getirerin.
43 Siziň: ‘Babyllylaryň eline berlip, adam-
syz we haýwansyz harabalyga öwrülen’
diýýän bu ýurduňyzda ýene-de ekin
meýdanlary satyn alnar. 44 Benýamin
topragynda, Iýerusalimiň töweregindäki
ýerlerde, Ýahuda galalarynda, daglyk
galalarda, günbatar baýyrlykda we Ne-
gep galalarynda ekin meýdanlary kümşe
satyn alnyp, şertnamalara gol çekiler,
möhürlenip, şaýatlar çagyrylar. Çünki
Men olaryň öňki abadançylygyny gaý-
taryp bererin“. Muny Reb aýdýandyr».

### 33-nji bap

### *Reb ýurduň öňki abadançylygyny dikelder*

1 Ýermeýa garawulhanada henizem
tussaglykda saklanýarka, oňa ikinji gezek
Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Ýeri ýara-
dan, oňa şekil berip, berkarar eden, ady
Reb Bolan şeýle diýýär: 3 „Meni çagyr,
saňa jogap bereýin, seniň bilmeýän beýik
hem pynhan zatlaryňyň syryny aýdaýyn“.
4 Ýapgytlar bilen çozujylardan goran-
mak üçin ýykylan bu şäheriň öýleridir
Ýahudanyň patyşalarynyň köşkleri ha-
kynda Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär:
5 „Esgerler babyllylar bilen söweşmäge çy-
karlar, emma olar öýleri gahar-gazabymda
heläk eden ynsanlarymyň jesetlerinden
doldurarlar. Şol ynsanlaryň eden ähli er-
betlikleri üçin, Men bu şäherden ýüzümi
gizledim. 6 Emma Men ol şähere ýene
saglyk we şypa bererin, olary sagaldaryn,
olara abadançylyk we parahatlyk eçile-
rin. 7 Men Ýahudanyň we Ysraýylyň öňki
abadançylygyny gaýtaryp bererin, olary
öňküsi ýaly edip bina ederin.
8 Olary Maňa garşy eden ähli
günälerinden saplaryn;
Maňa garşy eden ähli günälerini,
bar eden etmişlerini bagyşlaryn.
9 Dünýädäki hemme milletler olara et-
jek ähli ýagşylyklarymy eşiderler. Bu
şäher olaryň öňünde Meniň üçin at-ab-
raý, şatlyk, öwgi hem şöhrat bolar. Ähli
milletler Iýerusalimiň halkyna eden
ýagşylyklarym we eçilen parahatlygym
sebäpli gorkup titreşerler“.
10 Reb şeýle diýýär: „Siz bu şäher weý-
ran bolup, ynsansyz we haýwansyz çöl
bolar diýdiňiz. Emma ilaty galman, yn-
sansyz we haýwansyz çolaran Ýahuda
şäherlerinde, Iýerusalim köçelerinde
ýene-de 11 şatlykdyr gülki sesi, öýlenýän
ýigit bilen gelniň toý sesi, Rebbiň öýüne
şükür sadakalaryny getirip, şu aýdymy
aýdýanlaryň sesi ýaňlanar:
‘Hökmürowan Rebbe alkyş bolsun!
Çünki Reb ýagşydyr,
sadyk söýgüsi bakydyr!’
Men ýurduň öňki abadançylygyny ozal-
kysy ýaly gaýtaryp bererin. Muny Reb
aýdýandyr“.
12 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Yn-
sansyz we haýwansyz haraba bolup galan
bu ýerde, onuň ähli şäherlerinde ýene
çopanlaryň öz sürülerini bakjak ýaýla-
lary bolar. 13 Daglyk, günbatar baýyrlyk,
Negep we Benýamin galalary bilen Iýe-
rusalimiň töweregindäki ýerlerde we
Ýahuda galalarynda çopanlar ýene-de
goýun sanarlar. Muny Reb aýdýandyr“.
14 Reb şuny aýdýandyr: „Meniň ysra-
ýyl bilen ýahuda halky hakynda beren
merhemetli sözümi ýerine ýetirjek gün-
lerim geler. 15 Şol günlerde, şol wagtda
Men Dawudyň neslinden bir dogruçyl
Şaha çykararyn. Ol ýurtda adalaty hem

dogruçyllygy berjaý eder. 16Şol günlerde
Ýahuda halas bolar, Iýerusalim howpsuz
ýaşar. Ony: ‘Reb – biziň Hakperweri-
mizdir!’ diýip atlandyrarlar“.
17Çünki Reb şeýle diýýär: „Dawu-
dyň nesli Ysraýyl tagtynda baky oturar.
18Meniň huzurymda ýakma gurban-
lyklaryny, galla sadakasyny, beýleki
gurbanlyklary bermekde lewi ruhany-
lary hiç wagt kemlik etmez“».
19Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
20«Reb şeýle diýýär: „Gündiz bilen gije
öz wagtynda bolmaz ýaly, Meniň gije-
-gündiz baradaky ähtimi bozup bilseňiz,
21onda tagtynda patyşalyk etjek ogly
bolmasyn diýip, gulum Dawut bilen
we Maňa hyzmat eden lewi ruhanyla-
rym bilen eden ähtimi-de bozup bolar.
22Gulum Dawudyň neslini we Maňa
hyzmat edýän lewileri san-sajaksyz
asman jisimleri kimin, ölçäp bolmaýan
deňziň çägesi kimin köpelderin“».
23Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan bol-
dy: 24«Bu halkyň: „Reb Öz saýlan iki
taýpasyny-da ret etdi“ diýip aýdýanyny
göreňokmy? Olar indi Meniň halkymy
kemsidýärler, ony millet hasap etmeýärler.
25Reb şeýle diýýär: „Gije-gündiz bilen äht
baglaşyp, gögüň we ýeriň düzgünlerini
Men berkarar etdim. 26Hut şunuň ýaly,
Ýakubyň nesli bilen gulum Dawudyň
neslini-de ret etmedim. Ybraýymyň, Ys-
hagyň we Ýakubyň nesliniň üstünden
Dawudyň ogullaryndan birini höküm-
darlyk etmek üçin saýladym. Çünki Men
olaryň öňki abadançylygyny gaýtaryp
bererin we olara rehimdarlyk ederin“».

## 34-nji bap

### *Sidkiýa gelen habar*

1Babyl patyşasy Nebukadnesar äh-
li goşuny, öz golastynda bolan bütin
dünýädäki patyşalyklar we halklar bolup,
Iýerusalim bilen onuň şäherleriniň gar-
şysyna urşup ýörkäler, Ýermeýa Rebden
şu söz geldi: 2«Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle
diýýär: „Git-de, Ýahuda patyşasy Sidki-
ýa ýüzlenip, oňa Reb şeýle diýýär diý:
‘Men bu şäheri Babyl patyşasynyň eline
bererin, ol ony oda ýakar. 3Sen, Sidkiýa,
onuň elinden gaçyp gutulyp bilmersiň,
adamlar seni tutup, onuň eline tabşyrar-
lar. Babyl patyşasyny öz gözleriň bilen
görüp, onuň bilen ýüzbe-ýüz gepleşersiň.
Soňra Babyla äkidilersiň. 4Ýöne, eý, Ýa-
huda patyşasy Sidkiýa, Rebbiň sözüni
eşit! Reb seniň gylyçdan ölmejikdigiňi
aýdýar. 5Sen sag-salamatlykda ölersiň.
Senden öň patyşa bolan ata-babalaryň
üçin hoşboý ysly tütetgiler ýakyşlary
ýaly, seniň üçin-de muny ýakarlar we
saňa: ‘Waý, aga!’ diýip aglaşarlar. Çünki
muny Men – Reb aýdýandyryn’“».
6Şeýdip, Ýermeýa pygamber bu
sözleriň baryny Iýerusalimde Ýahu-
da patyşasy Sidkiýa ýetirdi. 7Şol wagt
Babyl patyşasynyň goşuny Iýerusali-
miň garşysyna we Ýahudanyň entek
ele salynmadyk galalarynyň: Lakyşyň
we Azekanyň garşysyna urşup ýördi.
Ýahudanyň berk galalaryndan diňe şu-
lar galypdy.

### *Gullar aldanylýar*

8Sidkiýa patyşa Iýerusalimdäki ähli
halk bilen äht baglaşyp, gullara azatlyk
yglan edeninden soň, Ýermeýa Rebbiň
şu sözi aýan boldy. 9Bu ähte görä her
kim öz ýewreý guluny we gyrnagyny
azat etmelidi, olaryň hiç biri başga bir
ýahudylyny gul etmeli däldi. 10Ähli
ýolbaşçylar bilen tutuş halk bu ähte
gulak asdylar. Her kim öz guluny we
gyrnagyny azat etmek, mundan beýläk
olary gul etmezlik ähti boýunça hereket

etdiler. Olar muňa boýun bolup, olary
azatlyga goýberdiler. [11] Emma soňra söz-
lerinden dänip, azat eden gullaryny we
gyrnaklaryny yzlaryna getirdiler, olary
ýene-de zor bilen gul we gyrnak etdiler.
[12] Şonda Ýermeýa Rebbiň sözi gelip,
[13] Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär diýdi:
«Men ata-babalaryňyzy Müsür ýurdun-
dan, ýagny gul bolup ýaşan ýurdundan
çykaran günüm olar bilen äht baglaşyp,
şeýle diýipdim: [14] „Özlerini gul edip
satyp, size alty ýyl gulluk eden ýew-
reý doganyňyzy ýedinji ýylda azatlyga
goýberiň“. Ýöne siziň ata-babalaryňyz
Meni diňlemediler, gulak asmadylar.
[15] Indi bolsa siz toba edip, Meniň naza-
rymda dogry işleri etdiňiz. Her biriňiz öz
ýewreý doganyňyzyň azatlygyny yglan
etdiňiz. Huzurymda, adym dakylan öý-
de bu barada äht baglaşdyňyz. [16] Emma
soňra sözüňizden dänip, Meniň adyma
ysnat getirdiňiz. Öz islän ýerlerine giden
guldur gyrnagy ähliňiz yzyna getirdiňiz,
olary ýene-de zor bilen gul we gyrnak
edindiňiz. [17] Şonuň üçin hem, Reb şeýle
diýýär: „Gul bolan öz garyndaşlaryňyzy,
dost-ýarlaryňyzy boşatmak barada siz
Maňa gulak asmadyňyz. Indi Men-de
sizi gylyç, mergi, açlyk belalaryndan
goramakdan boş. Sizi dünýäniň ähli
patyşalyklary üçin howpa döndererin.
Muny Reb aýdýandyr. [18] Äht baglaşylan-
da göläni ikä bölüp, onuň bölekleriniň
arasyndan geçýärler. Men hem ähtimi
bozup, huzurymda baglaşylan ähtiň
şertlerini berjaý etmedikleri edil şol
göle kimin ikä bölerin. [19] Göläniň bölek-
leriniň arasyndan geçen Ýahuda bilen
Iýerusalim ýolbaşçylaryny, köşk emel-
darlaryny, ruhanylary we ýurduň tutuş
halkyny [20] janlarynyň kastyna çykan
duşmanlarynyň eline bererin. Olaryň
jesetleri guşlara we ýyrtyjy haýwanlara
şam bolar. [21] Ýahuda patyşasy Sidkiýany
öz emeldarlary bilen birlikde janlarynyň
kastyna çykan duşmanlarynyň eline,
sizden häzirlikçe yza çekilen Babyl
patyşasynyň goşunynyň eline bererin.
[22] Men buýruk berip, babyllylary bu
şähere gaýtaryp getirerin. Olar şähere
garşy hüjüm edip, ony basyp alarlar we
oda ýakarlar. Men Ýahuda şäherlerini
ilatsyz harabaçylyga öwrerin“. Muny
Reb aýdýandyr».

## 35-nji bap

### *Rekaplaryň göreldesi*

[1] Ýahuda patyşasy Ýoşyýanyň ogly Ýe-
hoýakymyň döwründe Ýermeýa Rebbiň
şu sözi aýan boldy: [2] «Rekabyň kowum-
larynyň ýanyna gidip, olar bilen gepleş
we olary Rebbiň öýüniň otaglarynyň
birine getir-de, şerap içir». [3] Onsoň men
Habasynýanyň agtygy, Ýermeýanyň
ogly Ýagazanýany, onuň doganlaryny,
ogullaryny we Rekabyň ähli kowumla-
ryny alyp, [4] olary Hudaýyň adamy bolan
Ýygdalýanyň ogly Hananyň ogullary-
nyň Rebbiň öýündäki otagyna getirdim.
Bu otag ýolbaşçylaryň otagynyň gap-
dalynda, gapy sakçysy Şallumyň ogly
Magaseýanyň otagynyň ýokarsyndady.
[5] Onsoň men Rekabyň kowumlarynyň
öňünde şerapdan doly küýzeler bilen kä-
seler goýup, olara: «Şerap içiň» diýdim.
[6] Emma olar şeýle jogap berdiler: «Ýok,
biz içjek däl, çünki atamyz Rekabyň
ogly Ýonadap bize şeýle buýruk berdi:
„Siziň özüňiz-de, çagalaryňyz-da hiç
wagt şerap içmeli dälsiňiz. [7] Özüňiz
üçin öý gurmaň, ekin ekmäň, üzüm
agaçlaryny oturtmaň, bu zatlary edin-
mäň. Eýsem bütin ömrüňize çadyrlarda
ýaşaň. Şonda gelmişek bolup ýaşaýan
ýurduňyzda uzak ömür sürersiňiz“. [8] Biz

atamyz Rekabyň ogly Ýonadabyň özü-
mize tabşyran ähli buýruklaryny ýerine
ýetirdik. Biziň özümiz-de, aýallary-
myz-da, ogul-gyzlarymyz-da hiç wagt
şerap içmedik. 9 Içinde ýaşar ýaly öýler
gurmadyk, baglar, üzümçilikler, ekin-
ler ekmedik. 10 Biz çadyrlarda ýaşadyk.
Atamyz Ýonadaba gulak asyp, özümi-
ze tabşyran ähli buýruklaryny ýerine
ýetirdik. 11 Emma Babyl patyşasy Nebu-
kadnesar bu ýurda hüjüm edende, biz:
„Geliň, babyllylaryň we siriýalylaryň
goşunyndan gaçyp, Iýerusalime gideliň“
diýdik. Şonuň üçin hem biz Iýerusalimde
ýaşap ýörüs».
12 Onsoň Ýermeýa Rebbiň sözi gelip,
13 Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diýdi: «Git-de, ýahuda halky
bilen Iýerusalimiň ilatyna şeýle diý: „Siz
Meniň sözlerimi diňläp, hiç bir sapak
aljak dälmisiňiz? Muny Reb aýdýandyr.
14 Rekabyň ogly Ýonadabyň öz nesilleri-
ne şerap içmäň diýen tabşyrygy berjaý
edilýär. Olar tä şu güne çenli şerap içmän,
ata-babalarynyň tabşyrygyna gulak as-
ýarlar. Men bolsam size irginsiz aýtdym,
emma Meni diňlemediňiz. 15 Men siziň
ýanyňyza yzly-yzyna gullarym bolan
pygamberlerimiň ählisini iberip: ‘Indi
her biriňiz pis ýollaryňyzdan dönüp,
ýagşylyk ediň, başga hudaýlara gulluk
etmek üçin olaryň yzyna düşmäň, şonda
siz özüňize hem ata-babalaryňyza beren
ýurdumda ýaşarsyňyz’ diýdim. Emma
siz Meni diňlemediňiz, Maňa gulak
asmadyňyz. 16 Rekabyň ogly Ýonada-
byň nesilleri öz ata-babalarynyň beren
tabşyrygyny berjaý etdiler, emma bu
halk Meni diňlemedi“. 17 Şonuň üçin
hem, Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Men Öz aýdan ähli
bela-beterlerimi Ýahuda bilen Iýerusa-
limde ýaşaýan her bir adamyň başyndan
indererin. Çünki Men olara aýtdym,
ýöne olar diňlemediler, olary çagyrdym,
ýöne jogap bermediler“».
18 Ýermeýa Rekabyň kowumlaryna
Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diýdi: «Siz ataňyz Ýonadabyň
buýrugyna gulak asdyňyz, onuň äh-
li tabşyryklaryny berjaý etdiňiz, size
buýran ähli zatlaryny ýerine ýetirdiňiz.
19 Munuň üçin Ysraýyl Hudaýy Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: „Rekabyň ogly
Ýonadabyň neslinden Meniň huzurymda
hyzmat etjek adamlaryň sany hiç wagt
kemelmez“».

## 36-njy bap

### *Baruk kagyza ýazylan sözleri ybadathanada okaýar*

1 Ýahuda patyşasy Ýoşyýanyň og-
ly Ýehoýakymyň şalygynyň dördünji
ýylynda Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan
boldy: 2 «Özüňe düýrlenen kagyz al-
da, Ýoşyýanyň döwründe seniň bilen
gepleşen günümden tä şu güne çenli
Ysraýyl, Ýahuda we ähli milletler ha-
kynda saňa aýdanlarymyň baryny ýaz.
3 Belki, ýahuda halky başyndan inder-
megi niýet eden ähli bela-beterlerim
hakynda eşidende, öz ýaman ýolundan
döner, Men-de olaryň etmişlerini we
günälerini bagyşlaryn».
4 Onsoň Ýermeýa Neriýanyň ogly
Barugy çagyrdy. Baruk hem Rebbiň
Ýermeýa aýdan ähli sözlerini onuň dilin-
den bir kagyza ýazdy. 5 Ýermeýa Baruga
şeýle buýruk berdi: «Maňa Rebbiň öýüne
barmak gadagan. 6 Ýöne sen git-de, me-
niň dilimden ýazyp alan Rebbiň sözlerini
agyz bekleme güni Rebbiň öýünde halka
okap ber. Ony Ýahuda şäherlerinden ge-
len ähli halka eşitdirip okap ber. 7 Belki,
olar Hudaýyň huzurynda ýalbararlar

we öz ýaman ýolundan dönerler. Çün-
ki Rebbiň bu halkyň garşysyna aýdan
sözi gahar-gazapdan doludyr». 8 Rebbiň
öýünde Neriýanyň ogly Baruk düýrlenen
golýazmadan Rebbiň sözlerini okady.
Ol Ýermeýa pygamberiň tabşyran ähli
zadyny berjaý etdi.

9 Ýahuda patyşasy Ýoşyýanyň ogly
Ýehoýakymyň şalygynyň bäşinji ýyly-
nyň dokuzynjy aýynda Iýerusalim bilen
Ýahuda şäherlerinden gelen ähli halk
Rebbiň öýünde agyz beklemegi yglan
etdi. 10 Şonda Baruk ýokarky howluda,
Rebbiň öýüniň Täze derwezesiniň gi-
relgesinde ýerleşýän Şapanyň ogly kätip
Gemarýanyň otagynda Ýermeýanyň
sözlerini ähli halka eşitdirip okady.

11 Şapanyň agtygy, Gemarýanyň ogly
Mikaýa düýrlenen golýazmadan okalan
Rebbiň sözlerini eşidende, 12 patyşa-
nyň köşgündäki kätibiň otagyna gitdi.
Ähli ýolbaşçylar, Elişama kätip, Şe-
magýanyň ogly Delaýa, Akboryň ogly
Elnatan, Şapanyň ogly Gemarýa we
Hananýanyň ogly Sidkiýa hem-de ähli
köşk emeldarlary ol ýerde otyrdylar.
13 Barugyň golýazmadan halka okap
beren ähli sözlerini Mikaýa olara aýdyp
berdi. 14 Onsoň ähli köşk emeldarlary:
«Halka okalyp berlen golýazmany al-da,
ýanymyza gel» diýip, Kuşynyň çowlugy,
Şelemýanyň agtygy, Netanýanyň ogly
Ýegudyny Barugyň ýanyna ýolladylar.
Neriýanyň ogly Baruk-da golýazmany
alyp, olaryň ýanyna geldi. 15 Olar oňa:
«Indi otur-da, ony bize okap ber» diý-
diler. Şeýlelikde, Baruk ony olara okap
berdi. 16 Olar bu sözleri eşidenlerinde,
gorkudan ýaňa biri-birlerine bakyşyp,
Baruga: «Biz bu sözleriň ählisini hök-
man patyşa aýdarys» diýdiler. 17 Onsoň
olar Barukdan: «Indi bize aýt, sen bu
sözleri nädip ýazdyň? Ýermeýanyň öz di-
lindenmi?» diýip soradylar. 18 Baruk: «Ol
bu sözleriň baryny maňa dilden aýtdy,
men hem syýa bilen kagyza geçirdim»
diýip jogap berdi. 19 Onsoň köşk emel-
darlary Baruga: «Gidiň-de, Ýermeýa
ikiňizem gizleniň, nirededigiňizi hiç
kim bilmesin» diýdiler. 20 Olar golýazma-
ny kätip Elişamanyň otagynda goýdular,
özleri bolsa, köşkdäki patyşanyň ýanyna
gidip, ähli sözleri oňa ýetirdiler. 21 Pa-
tyşa golýazmany getirmäge Ýegudyny
iberdi. Ol hem ony kätip Elişamanyň
otagyndan alyp geldi. Soňra Ýegudy ony
patyşa we onuň huzuryndaky emeldar-
lara eşitdirip okady.

### *Ýehoýakym patyşa golýazmany oda ýakýar*

22 Dokuzynjy aýdy[a], patyşa gyş köş-
günde otyrdy. Öňündäki ojakda bolsa,
ot ýanyp durdy. 23 Ýegudy her parçany
okanda, patyşa kätibiň pyçagy bilen
düýrlenen golýazmanyň şol bölegini
kesip, ýanyp duran ojaga taşlaýardy,
ol golýazmanyň hemmesini otda ýa-
kyp bolýança, şeýle etdi. 24 Ýöne bu
sözleriň hemmesini eşiden patyşadyr
onuň ähli hyzmatkärleri gorkmadylar,
eginbaşlarynam ýyrtmadylar. 25 Elnatan,
Delaýa we Gemarýa patyşadan golýaz-
many ýakmazlygyny ýalbaryp haýyş
etseler-de, patyşa olara gulak asmady.
26 Patyşa Ýerahmeýel şazada, Azryýeliň
ogly Seraýa we Abdeýeliň ogly Şelemýa
dagy Baruk kätibi we Ýermeýa pygam-
beri tussag etmegi buýurdy. Emma Reb
olary gizläpdi.

27 Barugyň Ýermeýanyň dilinden ýa-
zyp alan kagyzyny patyşa ýakanyndan

[a] **36:22** ***Dokuzynjy aý*** – bu aý gyş möwsümine degişlidir.

soň, Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan bol-
dy: 28«Başga bir düýrlenen kagyz al-da,
Ýahuda patyşasy Ýehoýakymyň ýakan
golýazmasyndaky sözleriň ählisini oňa
ýaz. 29Ýahuda patyşasy Ýehoýakyma
bolsa, Reb şeýle diýýär diý: „Sen gol-
ýazmany ýakdyň. Babyl patyşasynyň
gelip, bu ýurdy weýran etjekdigi, ondan
ynsany-da, haýwany-da ýok edip taşla-
jakdygy hakynda näme üçin bu kagyzda
ýazdyň diýip, Ýermeýadan soradyň?“.
30Munuň üçin Reb Ýahuda patyşasy
Ýehoýakym barada şeýle diýýär: „Onuň
neslinden hiç kim Dawut tagtynda otur-
maz. Jesedi gündiziň yssysyna, gijäniň
aýazyna taşlanar. 31Etmişleri üçin onuň
özüni, neslini we hyzmatkärlerini je-
zalandyraryn. Olar hakda aýdan ähli
bela-beterlerimi olaryň özleriniň, Iýe-
rusalim ilaty bilen ýahuda halkynyň
başyndan indererin, sebäbi olar Maňa
gulak asmadylar“». 32Onsoň Ýermeýa
başga bir düýrlenen kagyzy Neriýanyň
ogly Baruk kätibe berdi. Baruk hem Ýa-
huda patyşasy Ýehoýakymyň oda ýakan
kagyzynyň ähli sözlerini Ýermeýanyň
dilinden oňa ýazdy. Bu düýrlenen ka-
gyza başga-da köp pygamberlik sözleri
ýazyldy.

## 37-nji bap

### *Ýermeýa bilen Sidkiýa patyşa*

1Babyl patyşasy Nebukadnesar Ýo-
şyýanyň ogly Sidkiýany Ýehoýakymyň
ogly Ýehoýakynyň ornuna Ýahuda ýur-
duna patyşa edip belledi. 2Emma ne
onuň özi, ne hyzmatkärleri, ne-de ýur-
duň halky Rebbiň Ýermeýa pygamberiň
üsti bilen aýdan sözlerine gulak asdylar.
3Sidkiýa patyşa Şelemýanyň ogly Ýehu-
kalyny we Magaseýanyň ogly Sepanýa
ruhanyny şeýle habar bilen Ýermeýa
pygamberiň ýanyna iberdi: «Biziň üçin
Hudaýymyz Rebbe ýalbarsana!» 4Ýer-
meýa heniz tussag edilmändi, ol halkyň
arasyna arkaýyn çykýardy. 5Şol arada
faraonyň goşuny Müsürden çykypdy.
Iýerusalimiň daşyny gaban babyllylar
olar hakdaky habary eşidip, Iýerusa-
limden çekilipdiler.
6Şonda Ýermeýa pygambere Rebbiň
şu sözi aýan boldy: 7«Menden medet
soramak üçin sizi Meniň ýanyma iberen
Ýahuda patyşasyna Ysraýyl Hudaýy Reb
şeýle diýýär diýiň: „Ine, size ýardam
bermek üçin, Müsürden çykan farao-
nyň goşuny öz ýurduna Müsüre dolanar.
8Babyllylar bolsa ýene gelip, bu şähere
çozarlar we ony eýeläp ýakarlar“. 9Reb
şeýle diýýär: „‘Babyllylar hökman üs-
tümizden aýrylyp gider’ diýip, özüňizi
aldamaň; olar gitmezler! 10Özüňize garşy
söweşýän babyllylaryň tutuş goşunyny
derbi-dagyn etseňiz-de, aralarynda diňe
ýaraly adamlar galsa-da, olar ýene öz
çadyrlarynda aýaga galyp, bu şäheri
ýakarlar“».

### *Ýermeýa tussag edilýär*

11Faraonyň goşuny zerarly babyl-
lylaryň goşuny Iýerusalimden yza
çekilende, 12Ýermeýa benýamin topra-
gyna baryp, halkyň arasynda öz paýyna
düşen mülküni almak üçin Iýerusa-
limden gitmek isledi. 13Ol Benýamin
derwezesine ýetende, Hananýanyň
agtygy, Şelemýanyň ogly Ýiriýaý atly
baş gözegçi Ýermeýa pygambere: «Sen
babyllylaryň tarapyna geçjek bolýarsyň»
diýip, ony tussag etdi. 14Ýermeýa bol-
sa: «Ýalan! Men babyllylaryň tarapyna
geçjek bolamok» diýdi. Ýöne Ýiriýaý
oňa gulak asmady we Ýermeýany tus-
sag edip, ýolbaşçylaryň ýanyna getirdi.
15Ýermeýa gaharlary gelen ýolbaşçylar,

ony ýenjip, tussaghana taşladylar. Bu
zyndan öň Ýonatan kätibiň öýüdi. 16 Ýer-
meýany zyndandaky çukura gabadylar,
ol ençeme günläp, ol ýerde galdy.
17 Onsoň Sidkiýa patyşa adam ýollap,
Ýermeýany öz köşgüne getirtdi. Patyşa
gizlinlikde ondan: «Rebden, heý, söz
barmy?» diýip sorady. Ýermeýa-da:
«Hawa, bar. Sen Babyl patyşasynyň
eline tabşyrylarsyň» diýdi. 18 Ýerme-
ýa ýene-de Sidkiýa patyşa şeýle diýdi:
«Meni tussaghana salar ýaly, men saňa,
hyzmatkärleriňdir bu halka garşy näme
günä etdim? 19 „Babyl patyşasy siziň
üstüňize, bu ýurduň üstüne çozmaz“
diýip, size welilik eden pygamberle-
riňiz hany nirede? 20 Indi maňa gulak
goý, eý, jenabym patyşa! Bu haýyşymy
berjaý etmegiňi towakga edýärin, meni
gaýdyp Ýonatan kätibiň öýüne iberme,
ol ýerde ölmäýin». 21 Onsoň Sidkiýa
patyşa Ýermeýany garawulhanada ga-
bap saklamaklaryny buýurdy. Şäherde
çörek bütinleý gutarýança, her gün oňa
çörekçileriň köçesinden bir çörek getirip
bermeklerini buýurdy. Şeýdip, Ýermeýa
garawulhanada galdy.

## 38-nji bap

### *Ýermeýa gurruk guýa taşlanýar*

1 Mattanyň ogly Şepatýa, Paşhuryň
ogly Gedalýa, Şelemýanyň ogly Ýehukal
we Malkyýanyň ogly Paşhur Ýerme-
ýanyň ähli halka aýdan bu sözlerini
eşitdiler: 2 «Reb şeýle diýýär: „Bu şä-
herde galan adam gylyçdan, açlykdan
we mergiden öler, emma babyllylaryň
tarapyna geçen adam diri galar, öz ja-
nyny gutaryp aman galar“. 3 Reb şeýle
diýýär: „Bu şäher, elbetde, Babyl paty-
şasynyň goşunynyň eline berler, ol ony
basyp alar“». 4 Munuň üçin ýolbaşçylar
patyşa şeýle diýdiler: «Bu adam öldü-
rilsin, sebäbi ol şeýle sözleri aýdyp, bu
şäherde aman galan urşujylar bilen ähli
halky ruhdan düşürýär. Çünki bu adam
bu halka ýagşylyk däl-de, ýamanlyk
isleýär». 5 Sidkiýa patyşa: «Ine, ol siziň
eliňizde, patyşa size garşy hiç bir zat
edip bilmez» diýdi. 6 Onsoň Ýermeýa-
ny tutup, patyşanyň ogly Malkyýanyň
gurruk guýusyna taşladylar, ol guýy
garawullaryň howlusynda ýerleşýärdi.
Ony tanap bilen aşak salladylar. Guýuda
suw ýokdy, diňe läbik bardy. Ýermeýa
läbige batdy. 7 Patyşanyň efiopiýaly köşk
emeldary Ebetmelek Ýermeýanyň guýa
taşlananyny eşitdi. Şol wagt patyşa Ben-
ýamin derwezesinde otyrdy. 8 Ebetmelek
patyşanyň köşgünden çykyp, patyşa ýüz-
lenip: 9 «Eý, jenabym patyşa! Bu adamlar
Ýermeýa pygamberi gurruk guýa taşlap
pislik etdiler. Ol açlykdan öler, sebäbi
indi şäherde çörek ýok» diýdi. 10 Onsoň
patyşa efiopiýaly Ebetmelege: «Ýanyňa
otuz adam al-da, Ýermeýa pygamber
ölmänkä, ony guýudan çykar» diýip
buýruk berdi. 11 Şeýlelikde, Ebetmelek
adamlary ýanyna alyp, patyşanyň köş-
gündäki ýerzemine girdi we ol ýerden
ýyrtyk eginbaşlary, köne-söne esgileri
aldy. Olary tanap bilen guýynyň içine –
Ýermeýa sallady. 12 Efiopiýaly Ebetmelek
Ýermeýa: «Indi ýyrtyk eginbaşlar bilen
esgileri goltugyňyň aşagyna goý-da,
tanapy geçir» diýdi. Ýermeýa-da aý-
dylyşy ýaly etdi. 13 Şeýdip, Ýermeýany
tanap bilen çekip, guýudan çykardylar.
Ýermeýa garawulhanada galdy.

### *Sidkiýa patyşa Ýermeýadan ýene maslahat soraýar*

14 Onsoň Sidkiýa patyşa adam iberip,
Ýermeýa pygamberi Rebbiň öýüniň üçün-
ji girelgesine getirtdi. Patyşa Ýermeýa:

«Men senden bir zat sorajak, ýöne men-
den hiç zady gizleme» diýdi. 15 Ýermeýa
Sidkiýa: «Eger saňa aýtsam, meni öldü-
rersiň. Eger-de saňa maslahat bersem,
meni diňlemersiň» diýdi. 16 Sidkiýa pa-
tyşa gizlinlikde ant içip, Ýermeýa: «Bize
bu jany beren diri Rebden ant içýärin,
seni öldürmerin we janyňyň kastyna
çykanlaryň eline seni bermerin» diýdi.
17 Onsoň Ýermeýa Sidkiýa şeýle diýdi:
«Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Eger Babyl patyşasynyň
ýolbaşçylarynyň ýanyna barsaň, janyň
diri galar we bu şäher oda ýakylmaz,
öý-içeriň bilen bile diri galarsyň. 18 Em-
ma Babyl patyşasynyň ýolbaşçylarynyň
ýanyna barmasaň, bu şäher babyllylaryň
eline berler. Olar ony ýakarlar, sen-de
olaryň elinden gaçyp gutulmarsyň“».
19 Sidkiýa patyşa Ýermeýa: «Men ba-
byllylaryň tarapyna geçen ýahudalaryň
eline berlerin, olar maňa azar bererler
diýip gorkýaryn» diýdi. 20 Ýermeýa şeýle
diýdi: «Eline bermezler. Özüňe aýdan
zatlarym babatda sen Rebbe gulak goý
ahyry. Şonda özüň üçin ýagşy bolar,
diri galarsyň. 21 Emma boýun egmeseň,
Reb maňa şuny görkezdi: 22 Ine, Ýahuda
patyşasynyň köşgünde galan ähli aýal-
lar Babyl patyşasynyň ýolbaşçylaryna
getiriler. Ol aýallar saňa:

„Ynamdar dostlaň seni aldawa
saldy,
olar seni ýeňlişe sezewar etdi;
batga batdy seniň aýaklaryň,
ynamdarlaň senden gaçyp gitdi“.

23 Seniň ähli aýallaryň bilen ogullaryňy
babyllylaryň eline bererler. Sen olaryň
elinden gaçyp gutulmarsyň, Babyl pa-
tyşasynyň eline düşersiň. Bu şäher bolsa
oda ýakylar».

24 Onsoň Sidkiýa Ýermeýa şeýle diý-
di: «Bu gürrüňimizi hiç kim bilmesin,
ýogsam ölersiň. 25 Eger ýolbaşçylar meniň
seniň bilen gepleşendigimi eşidip, ýany-
ňa gelip: „Patyşa bilen araňyzda näme
gürrüň bolan bolsa, hiç zady ýaşyrman
bize aýdyp ber, ýogsam seniň ýoguňa
ýanarys“ diýseler, 26 olara: „Meni yzyma
Ýonatanyň öýüne iberme, ýogsam men
ol ýerde ölerin diýip patyşa ýalbardym“
diýip aýt». 27 Onsoň ähli ýolbaşçylar Ýer-
meýanyň ýanyna gelip, ony sorag etdiler.
Ol hem patyşanyň buýran sözlerine görä
jogap berdi. Edilen gürrüň bilinmän
galansoň, olar oňa hiç zat diýmediler.
28 Ýermeýa Iýerusalimiň basylyp alnan
gününe çenli garawulhanada galdy.

## 39-njy bap

1 Iýerusalim basylyp alnanda, Ýermeýa
heniz-de şol ýerdedi.

### *Iýerusalimiň synmagy*

Ýahuda patyşasy Sidkiýanyň şalygy-
nyň dokuzynjy ýylynyň onunjy aýynda
Babyl patyşasy Nebukadnesar ähli go-
şuny bilen Iýerusalimiň üstüne ýöriş
edip, onuň daşyny gabady. 2 Sidkiýanyň
şalygynyň on birinji ýylynyň dördünji
aýynyň dokuzy güni şäheriň diwary
böwsüldi. 3 Babyl patyşasynyň ähli ýol-
başçylary içerik girip, Ortaky derwezede
oturdylar. Olar: samgarly Nergal Şare-
ser, köşk emeldary Nebosarsekim, baş
geňeşçi Nergal Şareser we patyşanyň
ähli beýleki ýolbaşçylarydy. 4 Ýahuda
patyşasy Sidkiýa we onuň ähli esgerleri
diýerler görenlerinde, gije patyşanyň ba-
gynyň ýolundan, iki diwaryň arasyndaky
derwezeden çykyp, Araba düzlügine
tarap gaçyp gitdiler. 5 Emma babylly-
laryň goşuny olaryň yzyndan kowdy
we Ýeriho düzlüginde yzlaryndan ýetip,
Sidkiýany tutdy. Onsoň babyllylar ony
tutup, Hamat ýurdunyň Ribla galasynda

bolan Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
ýanyna getirdiler, ol hem Sidkiýa ba-
rada höküm çykardy. 6Babyl patyşasy
Riblada Sidkiýanyň ogullaryny öz gö-
züniň alnynda öldürtdi. Şeýle-de, ol
Ýahudanyň ähli ýolbaşçylaryny öldürtdi.
7Ol Sidkiýanyň gözlerini oýdurdy, ony
zynjyr bilen daňyp, Babyla alyp gitdi.
8Babyllylar patyşanyň köşgüni, hal-
kyň öýlerini ýakdylar we Iýerusalimiň
diwarlaryny ýykdylar. 9Janpenalaryň
baştutany Nebuzaradon halkyň şäherde
aman galanlarynyň, Babyl patyşasynyň
tarapyna geçen gaçgaklar bilen beýleki
galan ilatyň baryny ýesir edip äkitdi.
10Emma janpenalaryň baştutany şol
wagt ýurtdaky hiç bir emlägi bolmadyk
garyp-gasarlara üzüm baglary bilen ekin
meýdanlaryny berdi.

11Babyl patyşasy Nebukadnesar jan-
penalaryň baştutany Nebuzaradona
Ýermeýa barada şeýle buýruk berdi:
12«Ony al-da, oňa gowuja göz-gulak
bol, hiç bir zeper ýetirme, näme sorasa,
şony et». 13Janpenalaryň baştutany Ne-
buzaradon, köşk emeldary Nebuşazban,
baş geňeşçi Nergal Şareser we Babyl
patyşasynyň ähli beýleki ýolbaşçylary
14adam ýollap, Ýermeýany garawulha-
nadan getirtdiler. Olar Şapanyň agtygy,
Ahykamyň ogly Gedalýa ony öýüne
äkitmegi tabşyrdylar. Şeýdip, Ýermeýa
öz halkynyň arasynda galdy.

15Garawulhanada tussaglykdaka,
Ýermeýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
16«Git-de, efiopiýaly Ebetmelege Ys-
raýyl Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: „Men bu şähere garşy aýdan
sözlerimi ýagşylyk bilen däl-de, ýaman-
lyk üsti bilen amala aşyraryn. Bular şol
gün seniň gözleriňiň alnynda amala
aşar. 17Emma ol gün Men seni halas
ederin, muny Men – Reb aýdýandyryn.
Sen gorkup ýören adamlaryňyň eline
düşmersiň. 18Men seni hökman halas
ederin. Sen gylyçdan ölmersiň, Maňa
bil baglandygyň üçin, sen öz janyňy
gutaryp aman galarsyň“. Muny Reb
aýdýandyr».

## 40-njy bap

### *Ýermeýa ikinji gezek boşadylýar*

1Babyla sürgün edilen ähli Iýerusalim
we Ýahuda ýesirleri bilen birlikde Ýer-
meýa hem zynjyr bilen baglanyp, Rama
äkidildi. Ol ýerde janpenalaryň baştutany
Nebuzaradon Ýermeýany tanap, ony bo-
şatdy. Soňra Ýermeýa Rebbiň sözi aýan
boldy. 2Janpenalaryň baştutany Ýermeýa-
ny ýanyna çagyryp, oňa şeýle diýdi: «Bu
ýurduň üstünden betbagtlyk inderjekdigi
hakynda Hudaýyň Reb aýdypdy. 3Ine, ony
inderip, aýdyşy ýaly hem etdi. Bu zatla-
ryň bary Rebbe garşy günä edendigiňiz
we Oňa gulak asmandygyňyz üçin siziň
başyňyzdan indi. 4Indi men seni elleriňi
zynjyrdan boşadaýyn. Eger meniň bilen
Babyla gitmek isleseň, ýör, gideli, men sa-
ňa göz-gulak bolaryn. Emma meniň bilen
Babyla gitmek islemeseň, onda gal. Ine,
öňüňde tutuş ýurt ýatyr! Nirä gitmek gö-
züňe hoş ýaksa we dogry bolsa, şoňa git».
5Ýermeýa entek jogap gaýtarmanka, ol
ýene sözüni dowam etdi: «Babyl patyşa-
sy tarapyndan Ýahuda şäherlerine häkim
goýlan Şapanyň agtygy, Ahykamyň ogly
Gedalýanyň ýanyna git-de, onuň bilen
bile halkyň arasynda ýaşaber ýa-da nirä
gitmegi dogry hasaplasaň, şoňa-da git».
Şeýlelikde, janpenalaryň baştutany oňa
azyk-owkat we peşgeşler berip, ony ýola
saldy. 6Onsoň Ýermeýa Mispadaky Ahy-
kamyň ogly Gedalýanyň ýanyna gitdi.
Mispa baryp, onuň bilen birlikde ýurtda
galan halkyň arasynda ýaşady.

### *Ýahudanyň häkimi Gedalýa*
*(2 Patyşalar 25:23-24)*

7 Söweş meýdanyndaky ähli goşun
serkerdeleri bilen olaryň adamlary
Babyl patyşasynyň Ahykamyň ogly
Gedalýany häkim edip belländigi we
Babyla sürgün edilmedik garyp erkekle-
ri, aýallary, çagalary oňa tabşyrandygy
barada eşitdiler. 8 Netanýanyň ogly Ys-
maýyl, Kareýanyň ogullary Ýohanan
hem Ýonatan, netopaly Tanhumetiň ogly
Seraýa we magakatlynyň ogly Ýazanýa
dagy öz goşunlary bilen Mispadaky
Gedalýanyň ýanyna geldiler. 9 Ahyka-
myň ogly, Şapanyň agtygy Gedalýa
olara we olaryň goşunyna ant içip, şeýle
diýdi: «Babyllylara gulluk etmekden
gorkmaň. Ýurtda galyp, Babyl patyşa-
syna gulluk ediň. Şonda özüňize oňat
bolar. 10 Men bolsam bu ýere geljek ba-
byllylaryň öňünde size wekilçilik eder
ýaly, Mispada galjak. Emma siz miweler
ýygyp, şerap, ýag ýygnaň. Olary amma-
ryňyzda goýuň-da, eýelän şäherleriňizde
ýaşaberiň». 11 Mowapda, ammonlaryň
arasynda, Edomda we başga ýurtlarda
ýaşaýan ähli ýahudalar-da Babyl paty-
şasynyň Ýahuda ýurdunda bir topary
aman galdyrandygyny, olaryň üstlerin-
den Şapanyň agtygy, Ahykamyň ogly
Gedalýany häkim belländigini eşitdiler.
12 Ýahudalaryň ählisi dargadylan ýerle-
rinden yzlaryna dolandylar. Olar Ýahuda
ýurduna, Mispada ýaşaýan Gedalýanyň
ýanyna geldiler. Gaty köp miwe ýygnap,
bolelin şerap öndürdiler.
13 Kareýanyň ogly Ýohanan bilen söweş
meýdanyndaky ähli goşun serkerde-
leri Mispadaky Gedalýanyň ýanyna
gelip, 14 oňa: «Ammonlaryň patyşasy
Bagalysyň seni öldürtmek üçin, Ne-
tanýanyň ogly Ysmaýyly iberendigini
bilýärsiňmi?» diýdiler. Emma Ahy-
kamyň ogly Gedalýa olara ynanmady.
15 Onsoň Kareýanyň ogly Ýohanan Mis-
pada Gedalýa bilen gizlinlikde gepleşip:
«Gel, men gidip, Netanýanyň ogly Ys-
maýyly öldüreýin, muny hiç kim bilmez.
Bolmasa, ol seni öldürer we ýanyňa ýyg-
nanan ähli ýahudalar dargar. Ýahudada
aman galanlar hem heläk bolsunmy?»
diýdi. 16 Emma Ahykamyň ogly Gedal-
ýa Kareýanyň ogly Ýohanana: «Sen
Ysmaýyl hakda ýalan sözleýärsiň. Bu
işi etme!» diýdi.

## 41-nji bap

### *Ysmaýyl Gedalýany öldürýär*

1 Ýedinji aýda patyşa neslinden we
patyşanyň ýolbaşçylarynyň biri bolan
Elişamanyň agtygy, Netanýanyň ogly
Ysmaýyl özüniň on adamy bilen Mis-
padaky Ahykamyň ogly Gedalýanyň
ýanyna geldi. Ol ýerde bile iýip-içip
otyrkalar, 2 Netanýanyň ogly Ysmaýyl
bilen onuň ýanyndaky on adam turup,
Babyl patyşasynyň ýurduň üstünden bel-
län häkimi Şapanyň agtygy, Ahykamyň
ogly Gedalýany gylyç bilen öldürdi.
3 Ysmaýyl Mispada Gedalýa bilen bile
bolan ähli ýahudalary-da, ol ýerdäki
babyl esgerlerini-de öldürdi.
4 Gedalýa öldürilenden bir gün geçen-
soň, entek muny hiç kim bilmeýärkä,
5 Şekemden, Şilodan we Samariýadan
segsen adam geldi. Olaryň sakgallary
syrylgydy, eginbaşlary sal-saldy, be-
denlerine ýara salnypdy, ellerinde bolsa
Rebbiň öýüne getirmek üçin galla sada-
kasy bilen ýakymly ysly tütetgi bardy.
6 Olary garşylamak üçin, Mispadan
Netanýanyň ogly Ysmaýyl geldi. Ol ag-
laý-aglaý adamlaryň deňine gelip, olara:
«Ahykamyň ogly Gedalýanyň ýanyna

baryň» diýdi. 7 Olar şäheriň içine giren-
lerinde, Netanýanyň ogly Ysmaýyl bilen
onuň ýanyndaky adamlar olary öldürip,
gurruk guýa taşladylar. 8 Ýöne olaryň
arasyndan on adam: «Bizi öldürme! Bi-
ziň meýdanda gizläp goýan bugdaýymyz,
arpamyz, ýagymyz we balymyz bar»
diýdi. Şeýlelikde, ol pikirinden dänip,
olary ýoldaşlary bilen birlikde öldür-
medi. 9 Ysmaýyl öldüren adamlarynyň
jesetleriniň baryny gurruk guýa taşlady.
Muny öň Asa patyşasy Ysraýyl patyşasy
Bagşadan goranmak üçin gazdyrypdy.
Netanýanyň ogly Ysmaýyl ony adam
jesedinden doldurdy. 10 Onsoň Ysmaýyl
janpenalaryň baştutany Nebuzaradonyň
Mispada Ahykamyň ogly Gedalýa beren
halkynyň ählisini, patyşanyň gyzlaryny,
umuman, ol ýerde aman galan halkyň
hemmesini ýesir aldy. Netanýanyň ogly
Ysmaýyl olary ýesir alyp, ammonlaryň
tarapyna geçmek üçin ýola düşdi.

### *Ýohanan halky halas edýär*

11 Emma Kareýanyň ogly Ýohanan we
onuň ýanyndaky ähli goşun serkerdeleri
Netanýanyň ogly Ysmaýylyň eden pis
işlerini eşidenlerinde, 12 adamlarynyň
baryny alyp, Netanýanyň ogly Ysmaýyl
bilen uruşmaga gitdiler. Olar ony Gib-
gondaky äpet howzuň başyndan tapdylar.
13 Ysmaýylyň ýanyndaky adamlaryň
hemmesi Kareýanyň ogly Ýohanan bilen
onuň goşun serkerdelerini görenlerinde
begendiler. 14 Şeýlelikde, Ysmaýylyň
Mispadan ýesir alan adamlarynyň bary
yzyna öwrülip, Kareýanyň ogly Ýoha-
nana goşuldy. 15 Emma Netanýanyň ogly
Ysmaýyl sekiz adamy bilen Ýohanan-
dan gaçyp, ammonlaryň ýanyna gitdi.
16 Kareýanyň ogly Ýohanan ýanyndaky
goşun serkerdeleri bilen aman galanlaryň
hemmesini: esgerleri, aýallary, çagalary
we köşk agtalaryny Gibgondan yzlary-
na getirdi. Netanýanyň ogly Ysmaýyl
Mispada Ahykamyň ogly Gedalýany
öldüreninden soň, olary ýesir alypdy
we Gibgona getiripdi. 17-18 Ýurduň üstün-
den Babyl patyşasynyň bellän häkimi
Ahykamyň ogly Gedalýany Netanýanyň
ogly Ysmaýylyň öldürendigi üçin, olar
babyllylardan gorkýardylar we olardan
gaçmak üçin Müsüre tarap ýola düşdü-
ler. Olar Beýtullahamyň golaýyndaky
Gerut Kimhamda saklandylar.

## 42-nji bap

### *Halk Ýermeýadan Rebbiň islegini bilip bermegini soraýar*

1 Onsoň goşun serkerdeleri, Kareýa-
nyň ogly Ýohanan, Hoşaýanyň ogly
Ýezanýa[a] we uludan-kiçä ähli halk go-
laýa gelip, 2 Ýermeýa pygambere şeýle
diýdiler: «Haýyşymyzy berjaý etmegiňi
towakga edýäris, biziň üçin, bu aman
galanlar üçin Hudaýyň Rebbe dileg et.
Öz gözüň bilen görşüň ýaly, biz köpçü-
likdik, indi bolsa azalyp galdyk. 3 Nirä
gitmelidigimizi, näme iş etmelidigimi-
zi, goý, Hudaýyň Reb bize görkezsin».
4 Ýermeýa pygamber olara: «Bolýar, ine,
aýdyşyňyz ýaly, men Hudaýyňyz Rebbe
dileg ederin we Reb näme jogap berse,
ony size aýan ederin. Sizden hiç za-
dy ýaşyrmaryn» diýdi. 5 Olar Ýermeýa
ýene şeýle diýdiler: «Eger Hudaýyň
Rebbiň bize bildirmek üçin saňa aýan
eden her bir sözüni ýerine ýetirmesek,
goý, Rebbiň Özi bize garşy hakyky we
wepaly şaýat bolsun. 6 Ýagşy bolsa-da,
ýaman bolsa-da, seni ýanyna iberýän

[a] **42:1** ***Ýezanýa*** – Ýezanýanyň beýleki ady *Azarýa*. Ýrm 43:2 seret.

Hudaýymyz Rebbe gulak asarys. Işi-
miz oňuna bolar ýaly, biz Hudaýymyz
Rebbe gulak asarys».
7 On günden soň, Ýermeýa Rebbiň sözi
aýan boldy. 8 Onsoň ol Kareýanyň ogly
Ýohanany, onuň bilen birlikde goşun ser-
kerdelerini we uludan-kiçä tutuş halky
çagyrdy. 9 Olara şeýle diýdi: «Dilegiňi-
zi mälim etmegim üçin meni Ysraýyl
Hudaýy Rebbiň huzuryna iberdiňiz. Ol
hem şeýle diýýär: 10 „Eger siz şu ýurtda
galsaňyz, Men sizi guraryn, ýykma-
ryn; bina ederin, sogrup taşlamaryn.
Çünki Men siziň başyňyzdan inderen
betbagtçylygyma ökünýärin. 11 Babyl
patyşasyndan gorkmaň. Siz ondan gork-
ýardyňyz, emma indi ondan gorkmaň.
Muny Reb aýdýandyr. Çünki sizi halas
etmek we onuň elinden gutarmak üçin
Men siziň bilendirin. 12 Men onuň size
rehimi iner ýaly ederin, şonda onuň size
haýpy gelip, sizi öz ýurduňyza iberer“.
13 Emma siz: „Biz bu ýurtda ýaşajak
däl“ diýseňiz we Hudaýyňyz Rebbe gu-
lak asman, 14 „Ýok, biz Müsür ýurduna
gitjek, ol ýerde uruş garasyny görmeris,
surnaý sesini eşitmeris, çöreksiz açlyk
çekmeris, biz ol ýerde ýaşarys“ diýseňiz,
15 Rebbiň sözüni diňläň, eý, Ýahuda-
nyň aman galanlary! Ysraýyl Hudaýy
Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Eger
siz Müsüre gidip, ol ýerde ornaşmagy
karar etseňiz, 16 gorkýan gylyjyňyz ol
ýerde yzyňyzdan ýeter, gorkýan açlygy-
ňyz Müsürde siziň ýakaňyzdan ýapyşar
we siz ol ýerde ölersiňiz. 17 Ornaşmak
üçin Müsüre gitmegi karar eden her kes
gylyçdan, açlykdan we mergiden öler.
Başlaryndan inderjek betbagtlygymdan
hiç kim diri galmaz we hiç kim gaçyp
gutulmaz“.
18 Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Iýerusalim halkynyň
üstüne gahar-gazabymy döküşim ýaly,
Müsüre gitseňiz, siziň üstüňize-de gaha-
rymy dökerin. Siz nälete, howpa, utanja
we gargyşa sezewar bolarsyňyz. Bu ýere
gaýdyp gelmersiňiz“. 19 Eý, Ýahudanyň
aman galanlary, Reb size: „Müsüre git-
mäň“ diýip buýurdy. Bilip goýuň, bu gün
muny size duýdurandyryn. 20 Meni Huda-
ýyňyz Rebbiň ýanyna iberip: „Biziň üçin
Hudaýymyz Rebbe dileg et; Hudaýymyz
Rebbiň aýdan ähli zatlaryny bize bildir,
biz-de ýerine ýetireris“ diýeniňizde, siz
uly hata goýberdiňiz. 21 Men ony size bu
gün habar berdim, emma Hudaýyňyz
Rebbiň meniň üstüm bilen size aýdan
sözleriniň hiç birine gulak asmadyňyz.
22 Indi bolsa bilip goýuň, gidip, ýaşajak
bolýan ýeriňizde siz gylyçdan, açlykdan
we mergiden ölersiňiz».

## 43-nji bap

### *Halk Müsüre gitmegi karar edýär*

1 Ýermeýa tutuş halka özleriniň Hu-
daýy Rebbiň sözlerini, olaryň Hudaýy
Rebbiň öz üsti bilen iberen sözleriniň
baryny doly ýetirende, 2 Hoşaýanyň og-
ly Azarýa, Kareýanyň ogly Ýohanan
we tekepbir adamlar Ýermeýa şeýle
diýdiler: «Sen ýalan sözleýärsiň! Huda-
ýymyz Reb seni bize: „Mesgen tutmaga
Müsüre gitmäň“ diýmek üçin ýollanok.
3 Babyllylar bizi öldürsinler ýa-da Babyla
ýesir edip äkitsinler diýip, bizi olaryň
eline tabşyrmak üçin Neriýanyň ogly
Baruk seni biziň üstümize küşgürýär».
4 Şeýdip, Kareýanyň ogly Ýohanan, go-
şun serkerdeleriniň hemmesi we tutuş
halk Ýahuda ýurdunda ýaşamak babatda
Rebbe gulak asmadylar. 5 Kareýanyň
ogly Ýohanan we goşun serkerdeleri
öň ähli milletlere dargadylyp, indi Ýa-
huda ýurduna dolanyp gelen halkyň

aman galanlarynyň baryny alyp gitdiler.
6 Olaryň arasynda janpenalaryň baştu-
tany Nebuzaradonyň Şapanyň agtygy
Ahykamyň ogly Gedalýanyň ýanynda
galdyran erkekleri, aýallary, çagala-
ry, patyşanyň gyzlary – ähli adamlary,
Ýermeýa pygamber we Neriýanyň ogly
Baruk dagy hem bardy. 7 Olar Rebbe
gulak asman, Müsür ýurduna gitdiler
we Tahpanhese geldiler.
8 Onsoň Tahpanhesde Ýermeýa Rebbiň
şu sözi aýan boldy: 9 «Eliňe uly daşlar
al-da, Tahpanhesde faraonyň köşgüniň
girelgesindäki meýdançanyň kerpiçleri-
niň arasynda göm. Muny ýahudalaryň
gözleriniň alnynda et. 10 Onsoň olara
Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: „Ine, Men Babylyň patyşasy
bendäm Nebukadnesary bu ýere getirip,
tagtyny bu gömen daşlarymyň üstünde
guraryn. Nebukadnesar öz şa çadyryny
bu daşlaryň üstünde diker. 11 Ol gelip,
Müsür ýurduny weýran eder. Ölüme
höküm edilen ölüme, sürgüne höküm
edilen sürgüne, gylyja höküm edilen
hem gylyja berler. 12 Men Müsür hu-
daýlarynyň buthanalaryny oda ýakaryn.
Babyl patyşasy butlaryň käbirini ýan-
dyrar, käbirini-de ýany bilen äkider. Bir
çopan öz ýapynjasyny bürelerden nähili
tämizleýän bolsa, Müsür ýurduny hem
şeýle tämizlär. Soňra Babyl patyşasy
ýerden sag-aman çykar. 13 Ol Müsürdäki
Gün hudaýynyň buthanasynyň dikme
daşlaryny ýykar we Müsür hudaýlarynyň
ähli buthanalaryny oda berer“».

## 44-nji bap

***Rebbiň Müsürdäki Öz halkyna ýollan habary***

1 Müsüriň Migdol, Tahpanhes, Mem-
fis galalarynda we Patros welaýatynda
ýaşaýan ähli ýahudalar hakda Ýermeýa
Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2-3 «Ysra-
ýyl Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Siz Meniň Iýerusalim bilen
tutuş Ýahuda şäherleriniň başyndan
inderen betbagtçylyklarymy gördü-
ňiz. Siziň özüňiz, ol şäherliler we
ata-babalaryňyz tanamaýan başga
hudaýlaryňyza ýakymly ysly tütetgi
ýakmaga, olara gulluk etmäge gidip,
Meniň gaharymy getirdiňiz. Şol sebäpli,
ine, bu gün şäherler weýran boldy we
ilatsyz galdy“. 4 Men siziň ýanyňyza
yzly-yzyna gullarym bolan pygamber-
lerimi iberip: „Bu nejis işi etmäň, Men
ony ýigrenýärin“ diýdim. 5 Emma olar
diňlemediler, gulak asmadylar, başga
hudaýlara tütetgi ýakdylar, erbetlikle-
rinden hiç dönmediler. 6 Munuň üçin
gahar-gazabym dökülip, Ýahudanyň
şäherlerinde, Iýerusalim köçelerinde
lowlady; olar edil bu günküsi ýaly weý-
ran we haraba bolup ýatyrlar.
7 Indi bolsa Ysraýylyň Hudaýy, Hök-
mürowan Beýik Hudaý şeýle diýýär:
„Näme üçin siz öz başyňyzdan bu
ägirt uly betbagtçylygy inderýärsiňiz?
Özüňizden soň hiç kim galmaz ýaly, Ýa-
hudadan erkegi, aýaly, çaga-çugany we
bäbegi gyryp taşlajaksyňyzmy? 8 Näme
üçin ornaşmaga barýan ýurduňyz bolan
Müsürde başga hudaýlara tütetgi ýakyp,
öz eden işleriňiz bilen Meniň gahary-
my getirýärsiňiz? Siz öz başyňyzdan
betbagtlyk inderip, dünýäniň ähli millet-
leriniň arasynda özüňizi nälete we utanja
sezewar edersiňiz. 9 Ýahuda ýurdunda,
Iýerusalimiň köçelerinde ata-babalary-
ňyzyň, Ýahuda patyşalarynyň, olaryň
aýallarynyň, özüňiziň we aýallaryňyzyň
eden pis işlerini unutdyňyzmy? 10 Olar
bu güne çenli toba etmediler, gorkmady-
lar, siziň we ata-babalaryňyzyň öňünde

goýan kanunlaryma we parzlaryma
eýermediler“.
11 Şonuň üçin Ysraýyl Hudaýy Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär: „Men
üstüňizden betbagtlyk inderip, tutuş
ýahuda halkynyň soňuna çykmak kara-
ryna geldim. 12 Müsüre gidip, ol ýerde
ornaşmagy ýüregine düwen Ýahudanyň
aman galanlaryny ýok edip taşlaryn,
olaryň hemmesi Müsür ýurdunda heläk
bolarlar. Olar gylyçdan we açlykdan gyr-
larlar, uludan-kiçä hemmesi gylyçdan
we açlykdan ölerler. Olar nälete, how-
pa, utanja we gargyşa sezewar bolarlar.
13 Müsür ýurdunda ýaşaýanlary-da Men
gylyç, açlyk we mergi bilen Iýerusalimi
jezalandyryşym ýaly jezalandyraryn.
14 Ýaşamak üçin Müsüre giden ýahuda-
lylaryň aman galanlarynyň hiç biri-de
gaçyp gutulmaz, diri galyp, Ýahuda
ýurduna dolanyp barmaz. Ol ýere dola-
nyp barmagy näçe isleseler-de, ol ýerden
gaçanlaryň diňe käbiri dolanyp barar“».
15 Onsoň aýallarynyň başga hudaýlara
tütetgi ýakýanyny bilýän ähli erkekler,
ol ýerde duran ähli aýallar, uly jemagat –
Müsür ýurdundaky Patrosda ýaşaýan
tutuş halk Ýermeýa şeýle jogap berdiler:
16 «Biz seniň Rebbiň adyndan aýdýan
sözleriňe gulak asmarys. 17 Tersine, biz
ähli zady öz eden kasamymyza laýyk
ederis. Asman melikesine tütetgi ýaka-
rys we oňa içgi sadakasyny hödürläris.
Biziň özümiz, ata-babalarymyz, paty-
şalarymyz we ýolbaşçylarymyz Ýahuda
şäherlerinde, Iýerusalim köçelerinde
näme eden bolsak, şony hem ederis. Şol
döwürde biz bolelin iýip-içerdik, gülläp
öserdik, ýamanlyk garasyny görmezdik.
18 Emma biz asman melikesine tütetgi
ýakmagy we oňa içgi sadakasyny hö-
dürlemegi bes edenimizden soň bar zada
mätäçlik çekýäris, gylyçdan we açlykdan
heläk bolýarys». 19 Aýallar ýene-de: «Ha-
wa, biz asman melikesine tütetgi ýakyp,
içgi sadakasyny hödür etdik. Emma biz
onuň keşbinde kökeler bişirip, oňa içgi
sadakasyny hödür edenimizde ärlerimiz
mundan bihabar bolandyr öýdýäňizmi?»
20 Onsoň Ýermeýa halka, erkeklere
we aýallara, ýagny özüne jogap berýän
ähli halka şeýle diýdi: 21 «Siziň özüňiziň,
ata-babalaryňyzyň, patyşalaryňyzyň,
ýolbaşçylaryňyzyň, ýurduň halkynyň
Ýahuda şäherlerinde we Iýerusalimiň
köçelerinde tütetgi ýakanyňyzy Reb
ýadyndan çykardymy? Mundan Onuň
habary ýokmudyr? 22 Reb edýän pis iş-
leriňizden we nejis zatlaryňyzdan ýaňa
mundan artyk saklanyp bilmedi. Munuň
üçin ýurduňyz bu günki bolşy ýaly, ilat-
syz harabaçylyga öwrüldi, howpa we
gargyşa sezewar boldy. 23 Siz tütetgi
ýakdyňyz, Rebbe garşy günä etdiňiz,
Rebbe gulak asmadyňyz, Onuň kanun-
laryny, parzlaryny we permanlaryny
berjaý etmediňiz. Şonuň üçinem, ine,
başyňyzdan bu günki bela-beterler indi».
24 Ýermeýa ähli halka we aýallara ýene
şeýle diýdi: «Eý, Müsür ýurdundaky ähli
ýahudalylar, Rebbiň sözüni diňläň! 25 Ys-
raýyl Hudaýy Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Siz aýallaryňyz bilen birlikde
asman melikesine tütetgi ýakmak we oňa
içgi sadakasyny hödürlemek üçin beren
wadamyzy berjaý ederis diýip, agzyňyz
bilen aýtdyňyz we eliňiz bilen etdiňiz.
Bolýar, hany beren sözüňizi ýerine ýe-
tiriň-dä, wadaňyzy berjaý ediň-dä!“.
26 Ýöne, eý, Müsür ýurdunda ýaşaýan
ähli ýahudalylar, Rebbiň sözüni diň-
läň: „Men Öz barlygymdan ant içdim,
mundan beýläk tutuş Müsür ýurdunda
ýahudalylar Meniň adymy agzamaz.
Muny Reb aýdýandyr. Olaryň hiç biri
diri Hökmürowan Rebden ant içýärin

diýmez. 27 Men olary ýagşylyk üçin däl-
de, ýamanlyk üçin aňtaýaryn. Müsür
ýurdundaky ýahudalylaryň hemmesi
doly gyrlyp ýok bolýança, gylyçdan
we açlykdan heläk bolarlar. 28 Gylyçdan
gaçyp gutulan diňe az sanly adamlar
Müsür ýurdundan Ýahuda ýurduna gaý-
dyp gelerler. Müsüre ornaşmaga gelen
ýahuda halkyndan aman galanlar şonda
Meniň sözümiň ýa-da olaryň sözüniň
amala aşýandygyny bilerler. 29 Sizi bu
ýerde jezalandyrmagym, özüňiz üçin
bir alamat bolar, muny Reb aýdýandyr.
Şonda Meniň siziň garşyňyza aýdan söz-
lerimiň amala aşjakdygyny bilersiňiz“.
30 Reb şeýle diýýär: „Ýahuda patyşasy
Sidkiýany janynyň kastyna çykan duş-
many Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
eline berşim ýaly, Müsür patyşasy fara-
on Hoprany-da janynyň kastyna çykan
duşmanlarynyň eline bererin“».

## 45-nji bap

### *Baruga gelen habar*

1 Ýahuda patyşasy Ýoşyýanyň ogly
Ýehoýakymyň şalygynyň dördünji ýyl-
ynda Neriýanyň ogly Baruk Ýermeýanyň
dilinden şu sözleri kitaba ýazyp otyrka,
Ýermeýa pygamberiň oňa aýdan sözi:
2 «Eý, Baruk! Ysraýyl Hudaýy Reb saňa
şeýle diýýär: 3 Sen: „Dat günüme! Çünki
Reb derdime gaýgy-hasrat goşdy, ahy-
nalamdan ýaňa tapdan düşdüm, rahatlyk
tapmaýaryn“ diýdiň». 4 Reb Baruga şeýle
diýýär diýip aýt: «Ine, tutuş ýer ýüzün-
de dikenimi ýykaryn, ekenimi sogrup
taşlaryn. 5 Neçün sen özüňe çendenaşa
köp soraýarsyň? Sorama, çünki Men
bütin adamzadyň başyndan betbagtlyk
indererin. Muny Reb aýdýandyr. Emma
nirä gitseň-de, sylag hökmünde janyňy
aman saklaryn».

## 46-njy bap

### *Müsür hakyndaky pygamberlik*

1 Milletler hakynda Ýermeýa pygam-
bere Rebbiň sözi aýan boldy. 2 Bu Müsür
hakdadyr. Ýahuda patyşasy Ýoşyýanyň
ogly Ýehoýakymyň şalygynyň dördünji
ýylynda, Babyl patyşasy Nebukadnesa-
ryň Ýewfrat derýasynyň ýakasyndaky
Karkemişde Müsür patyşasy faraon
Nekonyň goşunyny derbi-dagyn etjek-
digi hakyndaky habardyr: 3 Uly hem
kiçi galkanlary taýýarlap, söweşe giriň!
4 Atlary eýerläp, münüň, eý, atlylar!
Tuwulgaňyzy geýip, ornuňyzda
duruň,
naýzalary ýiteldiň we sowutlar
geýiň.
5 Men näme görýärin?
Olar gorkup, yza çekildiler.
Batyrlary ýere çalnyp,
yzlaryna garaman gaçdylar.
Ähli tarapdan howp abanýar.
Muny Reb aýdýandyr.
6 Ýüwrük gaçyp gutulmaz,
batyr halas bolup bilmez;
demirgazykda, Ýewfradyň
kenarynda
olar büdräp ýykylarlar.
7 Ol nämedir Nil kimin daşyp,
suwlar kimin çaýkanýan?
8 Ol Müsürdir, Nil deý joşup,
suwlar kimin çaýkanýan.
Ol diýdi: «Men beýgelip, ýer
ýüzüni gaplaryn,
şäherleri ilaty bilen birlikde ýok
ederin».
9 Eý, atlar, ýel bolup uçuň!
Eý, söweş arabalar, däliräp
çapyň!
Eý, batyrlar, galkanly Efiopiýa
we Put,

eý, eli ýaýly lutlar, orta söweşe
çykyň!
10 Bu gün Gudratygüýçli–
Hökmürowan Rebbiň günüdir;
bu gün ýagylaryndan ar
alynýan öç günüdir;
gylyç olary iýip doýar, ganlaryny
içip serhoş bolar;
çünki demirgazyk ýurdunda,
Ýewfradyň kenarynda
Hökmürowan Taňry Rebbe
gurbanlyk berilýär.
11 Eý, biçäre Müsür halky,
Gilgada git-de, melhem al!
Dermany köp içmegiň puçdur;
seniň derdiňe şypa ýokdur.
12 Seniň utanjyňy milletler eşitdiler,
ýer ýüzüne doldy dady-perýadyň.
Iki urşujy biri-birine büdräp,
ikisi-de birlikde ýere ýazyldy.
13 Babyl patyşasy Nebukadnesaryň uruş-
mak üçin Müsür ýurduna geljekdigi
barada Ýermeýa pygambere Rebbiň şu
sözi aýan boldy:
14 «Müsürde yglan ediň, Migdolda
eşitdiriň,
Memfisde we Tahpanhesde
eşitdirip, şeýle diýiň:
„Taýýar boluň, ornuňyzda duruň,
gylyç daşyňdakylary gyryp
gutarýar“.
15 Näme üçin öküz hudaýyň – Apys
gaçdy? [a]
Ol näme üçin durup bilmedi?
Çünki ony Reb ýer bilen ýegsan
etdi.
16 Köp esgerler büdredi,
biri-biriniň üstüne ýykylyp:
„Turuň, zalym gylyçdan gaçyp, öz
halkymyza,
dogduk mekanymyza dolanalyň“
diýdiler.
17 Ol ýerde: „Müsür patyşasy faraon
bir ýaňra,
ol pursady elden sypdyrdy“
diýip gygyryň.
18 Ady Hökmürowan Reb bolan
Patyşa şeýle diýýär:
„Öz barlygymdan ant içýärin:
biri geler –
ol daglar içinde beýik Tabor dagy
kimindir,
deňiz ýakasyndaky Karmel
dagy deýdir.
19 Eý, Müsüriň ilaty,
goşuňy düw, sürgün edilersiň!
Memfis weýran bolar,
ilatsyz bir haraba döner.
20 Müsür bir enaýyja göle bolsa-da,
demirgazykdan oňa gögeýin çozar.
21 Hakyna tutulan esgerleri
baga bakylan öküz kimin bolsa-da,
olar-da yza dönüp, bilelikde gaçdylar.
Öz orunlarynda durup bilmediler.
Çünki başlaryna heläkçilik
günleri,
jezalandyryljak günleri ýetip geldi.
22 Duşman goşuny bilen hüjüm
edende,
ol süýrenip gaçýan ýylan ýaly
haşşyldar.
Duşman agaç çapýan deý
Müsüre garşy eli paltaly çozar.
23 Gür bolsa-da, tokaýyny çaparlar,
muny Reb aýdýandyr.
Olar çekirtgelerden-de köpdür,
hasaby ýok, san-sajaksyzdyr.
24 Müsür gyzlary uýada galar,
demirgazyk halkynyň eline
berler“.

[a] **46:15** ***Näme üçin öküz hudaýyň – Apys gaçdy?*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Näme üçin batyrlar ýere serildi?* diýip duş gelýär.

25 Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Men Tebes şäheri-
niň hudaýy Amony, faraony, Müsüri,
onuň hudaýlaryny, patyşalaryny je-
zalandyraryn. Faraona bil baglanlary
26 olaryň janlarynyň kastyna çykan Babyl
patyşasy Nebukadnesar bilen onuň ser-
kerdeleriniň eline tabşyraryn. Şondan
soň Müsür gadymkysy ýaly ýene ilatly
bolar. Muny Reb aýdýandyr“.

27 Gorkma, eý, gulum Ýakup,
howatyrlanma, eý, Ysraýyl!
Çünki Men seni uzak ýerlerden,
nesliňi sürgün edilen
ýurdundan gutararyn.
Ýakup yzyna dolanyp, dynç hem
asuda bolar,
indi ony hiç kim gorkuzmaz.
28 Gorkma, eý, gulum Ýakup,
çünki Men seniň bilendirin.
Seni aralaryna dargadan
milletlerimiň baryny ýok
etsem-de,
seniň soňuňa çykmaryn.
Emma saňa adalatly temmi
bererin,
seni jezasyz galdyrmaryn.
Muny Reb aýdýandyr».

## 47-nji bap

### *Piliştliler hakyndaky pygamberlik*

1 Faraonyň Gazany ýeňmezinden öň,
piliştliler hakynda Ýermeýa Rebbiň şu
sözi aýan boldy: 2 «Reb şeýle diýýär:
„Demirgazykdan suwlar joşup,
derýa kimin dolup-daşar-da,
ýurdy we ondaky ähli zatlary,
şäheri hem ýaşaýjylaryny basar.
Adamlar dady-perýat ederler,
ýurduň bütin halky ahy-nala
çeker.
3 Daýaw atlaryň toýnak sesinden,
söweş arabalarynyň
takyrdysyndan,
tigirleriniň seslerinden ýaňa
elleri tapdan düşen atalar öwrülip,
çagalaryna ýardam bermezler.
4 Çünki ähli piliştlileriň ýok ediljek
güni geler.
Sura bilen Sidona kömek edip
biljek
aman galanlaryň ählisi ýok ediler.
Reb Kaptoryň kenarynda aman
galan
piliştlileri derbi-dagyn eder.
5 Gaza saçyny ýolar,
Aşkelon sus bolar.
Eý, barja aman galanlar,
haçana çenli özüňizi ýaralajak?
6 Eý, Rebbiň gylyjy!
Sen haçana çenli köşeşjek däl?
Gynyňa gir, ynjal-da, asuda bol.
7 Reb oňa tabşyryk berensoň,
ol nädip köşeşsin?
Ol ony ol ýere – Aşkelona,
deňiz kenaryna garşy ýollady“».

## 48-nji bap

### *Mowap hakyndaky pygamberlik*

1 Mowap hakynda Ysraýyl Hudaýy
Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Nebonyň halyna waý!
Çünki ol haraba döndi.
Kirýataýym ryswa bolup, basylyp
alyndy;
gala masgara bolup, weýran edildi.
2 Indi Mowaba öwgi aýdylmaz;
Heşbonda oňa garşy dildüwşük
gurdular[a]:

---

[a] **48:2** Ýewreýçe *Heşbon* we *dildüwşük gurdular* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

„Geliň, millet bolmaz ýaly, ony
ýok edeliň“ diýdiler.
Eý, Madmen, seniň sesiň
gapylar[a],
gylyç seni kowalar.
3 Horonaýymdan dady-perýat
eşidilýär:
„Harabaçylyk, uly weýrançylyk!“
4 Mowap derbi-dagyn boldy,
balalarynyň perýady eşidildi.
5 Aglaý-aglaý Luhyt ýolundan
çykýarlar,
olar Horonaýym eňňidinde
weýrançylyk perýadyny
eşidýärler.
6 Gaçyň! Janyňyzy halas ediň,
çöldäki ýylgyn kimin boluň.
7 Eý, Mowap, öz eden işleriň üçin,
hazynaňa bil baglanyň üçin
tutularsyň.
Ruhanylary hem emeldarlary
bilen
Kemoş[b] sürgün ediler.
8 Rebbiň aýdyşy ýaly,
ähli şähere heläkleýji döküler,
bir şäher-de gutulmaz,
jülge ýok bolar, düzlük berbat
bolar.
9 Mowap topragyna duz döküň,
ol hökman weýran ediler;
onuň şäherleri-de ýumrulyp,
ol ýerde hiç kim ýaşamaz.
10 Nälet bolsun Rebbiň işine ýaltalyk
edýäne,
Onuň gylyjyny gan dökmekden
saklaýana!
11 Mowap ýaşlygyndan rahat ýaşady,
ol hiç haçan sürgün edilmedi.
Çaýkalmadyk al-elwan şerap deý
ol gapdan-gaba boşadylmady.
Şeýdip, tagamy özünde galdy,
özüniň hoşboý ysyny ýitirmedi.
12 Emma ony gapdan-gaba boşatjak
adamlary iberjek günlerim geler. Mu-
ny Reb aýdýandyr. Ony dökerler, onuň
gaplaryny boşadarlar, küýzelerini bö-
lek-bölek ederler. 13 Ysraýyl halky bil
baglan Beýtelinden nähili utanan bolsa,
Mowap-da öz hudaýy Kemoşdan utanar.
14 Siz nädip: „Biz edermen hem güýçli
urşujydyrys“ diýip bilýärsiňiz?
15 Mowap weýran ediler,
şäherleri basylyp alnar.
Saýlama ýigitleri öldürilmek üçin
iberildi.
Muny ady Hökmürowan Reb bolan
Patyşa aýdýar.
16 Mowabyň heläkçiligi golaýlap
gelýär,
onuň muşakgaty gyssanyp
gelýär.
17 Eý, onuň töwereginde ýaşaýanlar,
onuň adyny tanaýanlar, oňa ýas
tutup:
„Wah, gudratly hasa, şöhratly taýak
nädip döwüläýdi!“ diýiň.
18 Eý, Dibon galasynda ýaşaýan
halk,
şan-şöhratdan düş-de, gurak
ýerde otur,
çünki Mowaby weýran ediji
seniň üstüňe çozup,
galalaryňy weýran eder.
19 Eý, Arogerde mesgen tutan,
ýoluň ýakasynda dur-da, seret.
Gaçan erkekden we gutulan
aýaldan:
„Näme boldy?“ diýip sora.
20 Mowap masgara boldy,
ol derbi-dagyn edildi.

[a] **48:2** Ýewreýçe *Madmen* we *sesiň gapylar* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **48:7** ***Kemoş*** – mowaplaryň hudaýy.

Perýat et we agla!
Mowabyň weýran bolandygyny
Arnonda yglan et.
21 Tekizlikdäki şäherlere – Holona,
Ýahsa, Meýpagada; 22 Dibona, Nebo,
Beýtdiblataýyma; 23 Kirýataýyma, Beýt-
gamula, Beýtmegona; 24 Keriýota, Bosra
we Mowabyň uzakdaky we golaýdaky
ähli galalaryna höküm geldi. 25 Mowabyň
güýç-kuwwaty gaçdy, gudraty kesildi.
Muny Reb aýdýandyr. 26 Ony serhoş ediň,
sebäbi ol Rebbe tekepbirlik etdi. Mowap
öz gusugynda togalanar, ol ile masgara
bolar. 27 Siz ysraýyl halkynyň üstünden
gülmediňizmi? Eýsem, ol ogrular bilen
bile tutuldymy? Näme ol hakda gürrüň
edeniňizde, başyňyzy ýaýkaýarsyňyz?
28 Eý, Mowabyň ilaty,
şäherleri taşlap, gaýada ýaşaň.
Höwürtgesini kert gaýalaň
üstünde
ýasan gögerçin kimin boluň.
29 Biz Mowabyň tekepbirligi,
onuň çensiz gedemligi,
badyhowalygy, buýsanjaňlygy,
kalbynyň ulumsylygy barada
eşitdik.
30 Men onuň bihaýadygyny
bilýärin.
Onuň öwünmeleri boş, işleri
puçdur.
Muny Reb aýdýandyr.
31 Şol sebäpli Mowap üçin ahy-nala
çekerin,
bütin Mowaba dady-perýat
ederin,
Kirharaset halky üçin ýas
tutaryn.
32 Eý, Sibmanyň üzüm agajy!
Saňa Ýasere aglan agymdan-da
köp aglaryn.
Seniň şahalaryň deňze,
Ýazer deňzine ýetdi.
Heläkleýji tomus miweleriňi,
üzüm hasylyňy weýran etdi.
33 Mowabyň bol miweli
baglaryndan,
ekin meýdanlaryndan
şatlyk we begenç zym-zyýat
boldy.
Üzüm sokusyndan akýan şeraby
kesdim.
Hiç kim şowhun bilen üzüm
depelemez;
şowhun bar, ýöne şatlyk
şowhuny däl.
34 Olar seslerini Heşbondan Elgala we
Ýahasa çenli, Sogardan Horonaýyma we
Eglat Şelişiýa çenli eşitdirdiler; Nimrim
suwlary-da gurady. 35 Men Mowapda sež-
degählerde gurbanlyk hödür edeni we öz
hudaýlaryna tütetgi ýakany ýok ederin.
Muny Reb aýdýandyr. 36 Bu sebäpden ýü-
regim Mowap üçin gargy tüýdük kimin
ahy-nala çekýär. Kirharaset halkynyň
gazanan baýlyklary dargady, şonuň
üçin hem ýüregim tüýdük kimin iňle-
ýär. 37 Her kimiň saç-sakgaly syryldy;
ähli eller ýaralanan we ähli billere jul
oralan. 38 Mowabyň ähli üçeklerinden we
meýdançalaryndan diňe agy sesi gelýär.
Çünki Men Mowaby halanmaýan gap
kimin döwdüm. Muny Reb aýdýandyr.
39 Wah, ol nähili weýran boldy! Adamlar
perýat edýärler. Wah, Mowap utançdan
yzyna öwrülýär! Mowap töweregindäki-
leriň barysy üçin gülki we howp boldy.
40 Reb şeýle diýýär:
„Serediň! Duşman bürgüt kimin
uçup,
ganatlaryny Mowaba tarap
ýaýýar.
41 Şäherler ele salnar, galalar
basylyp alnar.
Şol gün Mowabyň
urşujylarynyň ýüregi

dogranda sanjy tutýan aýalyň
ýüregi kimin bolar.
42 Mowap Rebbe garşy
baş galdyrandygy üçin,
halk bolmakdan mahrum bolar.
43 Eý, Mowabyň ilaty,
seniň öňüňde howp,
gorp we duzak dur!
Muny Reb aýdýandyr.
44 Howpdan gaçan gorpa ýykylar,
gorpdan çykan duzaga düşer,
çünki Meniň Mowap halkyny
jezalandyrjak günlerim gelýär.
Muny Reb aýdýandyr.
45 Gaçanlar Heşbon kölegesinde
mejalsyz durdular.
Çünki Heşbondan ot, Sihon
galasynyň ortasyndan ýalyn
çykyp,
mowaplylaryň maňlaýyny,
pitneçileriň süýr depesini ýakyp
ýandyrar.
46 Dat günüňe, eý, Mowap!
Kemoş halky ýok edildi,
ogullaryň sürgün edildi,
gyzlaryň ýesir alyndy.
47 Emma ahyrky günlerde Men
Mowabyň
öňki abadançylygyny gaýtaryp
bererin“.
Muny Reb aýdýandyr.
Ine, Mowabyň jezasy şu ýerde
gutarýar».

## 49-njy bap

### *Ammonlar hakyndaky pygamberlik*

1 Reb ammonlar barada şeýle diýýär:
«Ysraýylyň ogullary ýokmy?
Onuň mirasdary ýokmy?
Onda näme üçin Milkom Gady
eýeläp,
halky onuň şäherlerinde ýaşaýar?»
2 Reb şeýle diýýär:
«Ammonlaryň Raba şäherine
uruş nagralaryny eşitdirjek
günlerim geler.
Raba bir harabaçylyk üýşmegi
bolar,
obalary oda ýakylar.
Onsoň Ysraýyl özüni eýelänleri
eýelär.
Muny Reb aýdýandyr.
3 Ahy-nala çek, eý, Heşbon!
Çünki Aý galasy weýran boldy!
Eý, Rabanyň obalary, perýat ediň,
jul guşanyp, ýas tutuň,
ekin meýdanlaryňyzda ikiýana
ylgaň.
Çünki ruhanylarydyr
ýolbaşçylary bilen
birlikde Milkom sürgün ediler.
4 Eý, biwepa gyz, neçün güýjüňe
buýsanýaň?
Seniň güýjüň gaçar.
Sen hazynalaryňa buýsanyp:
„Meniň üstüme kim çozar?“ diýdiň.
5 Ine, daş-töweregiňdäkileriň baryndan
üstüňe howp indererin. Muny Gudraty-
güýçli–Hökmürowan Reb aýdýandyr. Siz
dargadylarsyňyz, her adam çem gelen
ýere gaçar; gaçanlary hiç kim ýygnamaz.
6 Emma mundan soňra Men ammonlaryň
öňki abadançylygyny gaýtaryp bererin.
Muny Reb aýdýandyr».

### *Edom hakyndaky pygamberlik*

7 Edom hakda Hökmürowan Reb şeý-
le diýýär:
«Teýman şäherinde indi paýhas
ýokmy?
Danalarda maslahat galmadymy?
Olaryň akyldarlygy küteldimi?
8 Eý, Dedanyň ilaty, gaçyň,
yzyňyza öwrüliň, bukularda
gizleniň!

Men Ysawy jezalandyran
wagtymda,
onuň başyndan betbagtlyk
indererin.
9 Eger üzümçiler bagyňa girse,
birki salkym üzüm
galdyrmazlarmy?
Gije öýüňe ogrular girse,
özlerine geregini
ogurlamazlarmy?
10 Emma Ysawy çuw ýalaňaç edip,
Men eşigini sypyraryn,
onuň gizlin ýerini äşgär ederin,
ol özüni gizläp bilmez.
Onuň tohum-tiji,
dogan-garyndaşlary,
goňşulary heläk bolar, özi-de
ýok bolar.
11 Ýetimleriňi taşla, olary diri
saklaryn.
Dul hatynlaryň hem Maňa bil
baglasyn».

12 Reb şeýle diýýär:
«Jeza käsesinden içmäge laýyk
bolmadyklar içenlerinden soň,
heý-de, sen içmän, jezasyz
galarmyň?
Ýok, jezasyz galmarsyň,
jeza käsesinden hökman içersiň.
13 Çünki Öz barlygymdan ant içýärin,
Bosra howpa, masgaraçylyga,
harabaçylyga, nälete sezewar
bolar».
Muny Reb aýdýandyr.
14 Men Rebden bir habar eşitdim,
milletler arasyna çapar ýollandy:
«Edoma çozmak üçin toplanyň,
söweşe aýaga galyň».
15 «Men seni milletler arasynda
kiçelderin,
ynsanlar arasynda ýigrenje
duçar ederin.
16 Düşen howpuň we tekepbir
ýüregiň
seni aldawa saldy.
Eý, gaýanyň jaýrygynda ýaşaýan,
belent depeleriň çür başyny
eýelän!
Sen höwürtgäňi bürgüt kimin
belent uçutlarda gursaň-da,
Men seni ol ýerden aşak düşürerin.
Muny Reb aýdýandyr.
17 Edom howpa öwrüler, ol ýerden geçýän
her kes aňk-taňk bolup, onuň betbagtlyk-
laryna sykylyk çalar. 18 Edil Sodomyň,
Gomoranyň we olaryň goňşularynyň
ýer bilen ýegsan bolşy ýaly, ol ýerde
ýeke adam galmaz, hiç ynsan ýaşamaz.
Muny Reb aýdýandyr.
19 Men arslan kimin Iordan
jeňňelinden
ýap-ýaşyl öri meýdana çykaryn.
Edomlary duýdansyz ol
meýdandan çykararyn.
Öz saýlanymy üstlerinden
baştutan bellärin.
Çünki Maňa meňzeş kim bar?
Menden hasabat sorajak kim?
Garşyma çykjak çopan kim?
20 Munuň üçin Rebbiň Edom
hakdaky kararyny,
Teýman ilatyna niýetlän
maksadyny eşidiň:
Hakykatdan hem sürüleriniň iň
kiçisi-de dargadylar,
sürüleri olaryň kysmatyndan
ýaňa dowla düşerler.
21 Ýykylýanlaň gürpüldisinden ýaňa
ýer ýüzi sarsar,
gykylyklarynyň sesi Gyzyl
deňze[a] çenli eşidiler.

[a] **49:21** ***Gyzyl deňiz*** – ýewreýçe *Gamyş deňzi.*

22 Ine, duşman bürgüt kimin ýokary
uçar,
ganatlaryny Bosranyň üstüne
ýaýar.
Şol gün Edom urşujylarynyň
ýüregi
dogranda sanjy tutýan aýalyň
ýüregi kimin bolar».

### *Damask hakyndaky pygamberlik*

23 Damask hakynda pygamberlik:
«Hamat we Arpat utandy,
erbet habary eşidip, gorkudan
titreşdi,
tolkun atýan deňiz kimin
ikiýana alakjap yrandylar.
24 Damask mejalsyz galdy,
gaçjak bolup öwrülende,
ony gorky gaplady.
Çaga doguryan aýal kimin
ony sanjy we agyry tutdy.
25 „Wah, neçün şatlygymyň mekany
bolan
bu şöhratly şäher abat
galmady?!“
26 Munuň üçin ýaş ýigitleri
meýdançalarda heläk bolar,
onuň ähli urşujylary ol gün
dymdyrylar.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
27 Damask diwaryny oda ýakaryn,
ot Benhadadyň galalaryny
ýakyp ýok eder».

### *Kedar we Hasor hakyndaky pygamberlik*

28 Babyl patyşasy Nebukadnesaryň ba-
syp alan Kedar we Hasor patyşalyklary
hakynda Reb şeýle diýýär:
«Turuň, Kedara hüjüm ediň,
gündogar halkyny ýok ediň.
29 Olaryň çadyrlary, sürüleri
ellerinden alnar,
perdeleri, gap-gaçlary we
düýeleri talanar;
halk: „Ähli tarapdan howp
abanýar!“ diýip gygyrar».
30 «Eý, Hasoryň ilaty!
Gaçyň, uzaklara gidiň,
bukularda gizleniň!
Muny Reb aýdýandyr.
Çünki Babyl patyşasy
Nebukadnesar
siziň garşyňyza karar kabul etdi,
siziň garşyňyza dildüwşük
gurady.
31 Turuň, asuda we howpsuz
ýaşaýan
halkyň üstüne hüjüm ediň.
Muny Reb aýdýandyr.
Olaryň ne derwezeleri, ne-de
kiltleri bar,
olar ýeke ýaşaýarlar.
32 Olaryň düýeleri talanyp,
köp mallary olja alnar.
Saç-sakgallaryny gyrkan bu
adamlary
Men çar tarapyň ýeli bilen
dargadaryn,
her ýandan başlaryna betbagtlyk
indererin.
Muny Reb aýdýandyr.
33 Hasor şagallaryň sürenine
we ebedi harabaçylyga öwrüler.
Ol ýerde-de ýeke adam galmaz,
hiç bir ynsan ýaşamaz».

### *Eýlam hakyndaky pygamberlik*

34 Ýahuda patyşasy Sidkiýanyň şa-
lygynyň başlarynda Eýlam hakynda
Ýermeýa pygambere Rebbiň şu sözi
aýan boldy: 35 «Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Men Eýlamyň kuwwatynyň
gözbaşy bolan ýaýy döwerin. 36 Asma-
nyň dört ujundan dört ýeli Eýlamyň
başyndan inderip, olary bu ýelleriň çar

tarapyna dargadaryn. Eýlamyň sürgün
edilenleriniň aýak basmadyk ýurdy gal-
maz. 37 Men Eýlamy duşmanlarynyň,
janynyň kastyna çykanlaryň öňünde
gorka salaryn. Lowlaýan gazabym bi-
len başlaryndan betbagtlyk indererin.
Muny Reb aýdýandyr. Olary bütinleý
ýok edýänçäm, yzlaryndan gylyç sala-
ryn. 38 Men tagtymy Eýlamda bina edip,
onuň patyşalaryny we ýolbaşçylaryny ol
ýerden ýok ederin. Muny Reb aýdýan-
dyr. 39 Ýöne ahyrky günlerde Eýlamyň
öňki abadançylygyny gaýtaryp bererin.
Muny Reb aýdýandyr“».

## 50-nji bap

### *Babyl hakyndaky pygamberlik*

1 Babyl hakda, babyllylaryň ýurdy
hakda Rebbiň Ýermeýa pygamberiň üsti
bilen aýdan sözi: 2 «Milletler arasynda
yglan ediň,
olara eşitdiriň, bir baýdak dikiň.
Hiç zady gizlemäň, şuny jar ediň:
„Babyl basylyp alyndy,
Bel hudaýy utanja galdy,
Merodak hudaýy bölek-bölek edildi.
Onuň heýkelleri masgara boldy,
nejis butlary parçalandy“.
3 Çünki demirgazykdan bir millet oňa garşy çykar,
ol onuň ýurduny harabaçylyga öwrer,
onda hiç kim ýaşamaz.
Ynsan-da, haýwan-da ondan gaçyp gider».
4 «Şol günlerde, şol döwürde
ysraýyl we ýahuda halklary bile gelerler,
özleriniň Hudaýy Rebbi agtaryp,
aglaý-aglaý gelerler.
Muny Reb aýdýandyr.
5 Olar ýüzlerini Siona [a] tarap öwrüp,
oňa gidýän ýoly sorarlar.
„Geliň, unudylmajak ebedi äht arkaly
Reb bilen birleşeliň“ diýerler.
6 Meniň halkym ýiten goýundyr,
olary çopanlary azaşdyrdylar,
daglarda entetdiler,
olar dagdan daga çykyp,
öz agyllaryny unutdylar.
7 Kim tapsa iýdi olary.
Duşmanlary diýdiler: „Biz ýazykly däl,
sebäbi olar hakykat örüsi bolan Rebbe garşy,
atalarynyň umydy bolan Rebbe garşy günä etdiler“.

8 Babyldan gaçyp gutulyň,
babyllylaryň ýurdundan çykyň,
süriniň öňüni çekýän erkeç kimin boluň.
9 Demirgazyk ýurdundan beýik milletler toplumyny
Men Babylyň garşysyna örüzerin,
olar oňa garşy nyzama dururlar,
şol ýerde ony ele salarlar.
Oklary mergen ýigidiň oky kimin bolar,
hiç biri boş geçmez.
10 Babyllylaryň ýurdy talaňa salnar,
ony talanlaryň bary oljadan doýar.
Muny Reb aýdýandyr.
11 Eý, mirasymy talaýan babyllylar,
siz şatlanýarsyňyz,
galkynýarsyňyz,

[a] **50:5** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

otlagdaky öküzçe deý
bökjekleýäňiz,
aýgyr atlar kimin kişňeýärsiňiz.
12 Emma siziň ene ýurduňyz utanja
galar,
göbek ganyňyz daman ýeri aýak
astyna salnar.
Ine, ol milletler içinde iň
ähmiýetsizi bolup:
çöllüge, gurak ýere we çola
ýurda öwrüler.
13 Ol Rebbiň gazabyndan ýaňa
ilatsyz galyp,
bütinleý harabalyga öwrüler.
Babyldan geçenler onuň
ýaralaryna
haýran bolup sykylyk çalarlar.
14 Eý, kemançylar,
Babylyň daş-töwereginde
nyzama duruň.
Oňa ok atyň, oky gaýgyrmaň,
çünki ol Rebbe garşy günä etdi.
15 Töwerek-daşdan oňa gygyryşyň,
ol boýun egdi; onuň minaralary
ýykyldy,
diwarlary ýer bilen ýegsan boldy.
Bu Rebbiň öjüdir, ondan öç
alyň.
Özi näme eden bolsa, oňa hem
şony ediň.
16 Ekin ekeni, orak döwri orakçyny
Babyldan ýok ediň.
Zalym gylyjyň zarbyndan gaçyp,
her kim öz halkyna tarap
öwrülsin,
her kim öz ýurduna gaçsyn.
17 Ysraýyl arslanlar kowalap
dargadan
goýun sürüsine meňzeýär.
Ony ilki Aşur patyşasy ýuwutdy,
Babyl patyşasy Nebukadnesar
soňra onuň süňklerini gemirdi».
18 Munuň üçin Ysraýyl Hudaýy Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär: «Men Aşur
patyşasyny jezalandyryşym ýaly, Babyl
patyşasy bilen onuň ýurduny-da şeýle
jezalandyraryn.
19 Ysraýyly ýene öz örüsine
getirerin,
ol Karmelde, Başanda otlap,
Efraýym dagyndaky Gilgatda
gerk-gäbe doýar.
20 Men aman galdyranlarymy
bagyşlaryn.
Şol günlerde, şol döwürde
Ysraýylyň ýazygy agtarylar,
ýöne onuň hiç bir ýazygy bolmaz,
Ýahudanyň günäleri agtarylar,
ýöne ondan hiç zat tapylmaz.
Muny Reb aýdýandyr.
21 Merataýym [a] ýurduna we Pekot [b]
halkyna hüjüm et.
Olary öldür, aman galanlary
bütinleý ýok et,
özüňe buýruşym ýaly et.
Muny Reb aýdýandyr.
22 Ýurtda uruş galmagaly, uly
weýrançylyk bar!
23 Babyl milletler arasynda nähili
weýran boldy!
Bütin dünýäni tokmaklan nähili
döwlüp parçalandy!
24 Men saňa duzak gurdum, eý,
Babyl ýurdy,
sen bilmän oňa düşdüň.
Rebbe garşy çykandygyň üçin,
sen tapyldyň hem tutuldyň.
25 Gudratygüýçli–Hökmürowan Reb
babyllylaryň ýurdunda etmeli
işiniň bardygy üçin,

---

[a] **50:21** ***Merataýym*** – bu söz *goşa gozgalaň* diýmegi aňladýar.
[b] **50:21** ***Pekot*** – bu söz *jeza* diýmegi aňladýar.

Reb gorhanasyny açyp,
gazap bilen ýaraglaryny
çykardy.
26 Babyla her tarapdan hüjüm ediň,
onuň ammarlaryny açyp,
ony galla üýşmekleri kimin
üýşüriň,
ony bütinleý ýok ediň;
ondan hiç zat galmasyn.
27 Öküzleriniň ählisini öldüriň, olar
soýulmaga äkidilsin.
Waý olaryň halyna!
Çünki olaryň güni doldy, jeza
pursady geldi.

28 Babyldan gaçyp gutulanlar
Hudaýymyz Rebbiň öjüni,
Onuň ybadathanasynyň öjüni
Sionda yglan edýärler,
Olaryň seslerini eşidiň!
29 Ok atýanlary, kemançylaryň
baryny
Babylyň garşysyna çagyryň!
Onuň töwerek-daşynda düşelge
guruň,
hiç kim ol ýerden gaçyp
gutulmasyn.
Eden işine görä onuň almytyny
beriň,
ähli edenlerini onuň özüne ediň.
Ol Rebbe, Ysraýyl Mukaddesine
garşy küpürlik etdi.
30 Munuň üçin onuň ýaş ýigitleri meý-
dançalarda heläk bolar, ähli urşujylary ol
gün dymdyrylar. Muny Reb aýdýandyr.
31 Eý, tekepbir, Men saňa garşydyryn,
muny Gudratygüýçli–Hökmürowan Reb
aýdýandyr. Çünki seniň günüň doldy,
seni jezalandyrjak wagtym gelip ýetdi.
32 Tekepbir büdräp ýykylar, ony hiç kim
galdyrmaz. Men onuň şäherlerini oda
ýakaryn, daş-töweregindäki ähli zady
ot ýakyp ýandyrar».

33 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ysraýyl bilen ýahuda halky-da
ejir çekýär,
ýesir alanlaryň bary olary berk
saklaýar,
azat etmekden boýun gaçyrýar.
34 Emma Ysraýylyň Penakäri
güýçlüdir,
Onuň ady Hökmürowan
Rebdir.
Ol Ysraýylyň işini derňäp, ýurda
rahatlyk berer,
emma Babylyň ilatyna
biynjalyk berer».
35 «Babyllylara garşy gylyç insin!
Babyl ilatyna, ýolbaşçylarydyr
akyldarlaryna garşy gylyç insin!
Muny Reb aýdýandyr.
36 Galp pygamberleriň depesinden
gylyç insin!
Olar akmak bolarlar.
Urşujylarynyň depesinden gylyç
insin!
Olar tapdan düşerler.
37 Atlarynyň, söweş arabalarynyň
depesinden,
aralaryndaky ähli keseki
esgerleriň üstünden gylyç
insin!
Olar heleý ýaly bolarlar.
Hazynalaryna garşy gylyç
insin!
Olar talaňa salnarlar.
38 Babyl butlar ýurdudyr,
gorkunç butlar olary dälireder.
Goý, onuň suwlary gurasyn,
olar takyrap galsyn!
39 Munuň üçin ol ýerde wagşy
haýwanlar,
şagallardyr düýeguşlar mesgen
tutarlar.
Mundan beýläk onda ynsan
ýaşamaz,

nesiller boýy hiç kim aýak
basmaz.
40 Edil Sodomyň, Gomoranyň,
olaryň goňşularynyň ýer bilen
ýegsan bolşy ýaly,
ol ýerde-de ýeke adam galmaz,
hiç bir ynsan ýaşamaz».
Muny Reb aýdýandyr.
41 Reb şeýle diýýär:
«Ine, demirgazyk ýurtdan bir
halk gelýär,
ýeriň aňry ujundan bir beýik millet,
köp patyşalar aýaga galýar.
42 Olar ýaýdyr naýza bilen
ýaraglanan,
özleri hem rehimsiz hem
zalymdyrlar.
Olar atlara atlanan, sesleri deňiz
ýaly güwleýär.
Olar bir adam ýaly söweşe
taýýar bolup,
seniň garşyňa nyzama durdular,
eý, Babyl gyzy!
43 Babyl patyşasy olar hakdaky
habary eşidende,
elleriniň ysgyny gaçdy.
Dogurýan aýal kimin
çekýär dert-azarlary.
44 Men-Reb arslan kimin Iordan
jeňňelinden
ýap-ýaşyl öri meýdana çykaryn.
Edomlary duýdansyz ol
meýdandan çykararyn.
Öz saýlanymy üstlerinden
baştutan bellärin.
Çünki Maňa meňzeş kim bar?
Menden hasabat sorajak kim?
Garşyma çykjak çopan kim?
45 Munuň üçin Rebbiň Babyl
hakdaky kararyny,
babyllylaryň ýurduna niýetlän
maksadyny eşidiň:
Hakykatdan hem sürüleriniň iň
kiçisi-de dargadylar,
sürüleri olaryň kysmatyndan
ýaňa dowla düşerler.
46 Babyl ele salnanda boljak
galmagaldan ýer ýüzi sarsar;
gykylyklarynyň sesleri
milletleriň arasyndan
eşidiler».

## 51-nji bap

1 Reb şeýle diýýär: «Men Babylyň,
ýagny Lebkamaýyň[a] ilatynyň garşy-
syna heläkleýji ýel turzaryn.
2 Babyla gelmişekleri ýollaryn,
ony sowrup, ýurduny boş
goýarlar.
Betbagtlyk güni ony
her tarapdan gurşarlar.
3 Kemançy ýaýyny gursun,
sowudyny geýip taýýar bolsun.
Babylyň ýaş ýigitlerini
gaýgyrmaň,
ähli goşunyny bütinleý ýok ediň.
4 Öldürilenler babyllylar ýurdunda,
ýaralylar onuň köçelerinde
ýazylsyn.
5 Olaryň ýurdy Ysraýyl
Mukaddesine garşy
günälerden doly bolsa-da,
özleriniň Hudaýy Hökmürowan
Reb
Ysraýyl bilen Ýahudany terk
etmedi.
6 Babyldan gaçyň,
her kim janyny halas etsin!
Onuň ýazygy sebäpli heläk
bolmaň,

[a] **51:1** ***Lebkamaý*** – bu Babylyň beýleki ady. Lebkamaý *Meniň garşyma baş galdyrýanlaryň ýüregi* diýmegi aňladýar.

çünki bu Rebbiň öç aljak
wagtydyr,
Babylyň almytyny berjek Oldur.
7 Babyl Rebbiň elinde bütin
dünýäni
serhoş edýän altyn pyýala
kimindi.
Milletler onuň şerabyndan içdiler,
munuň üçin akylyndan
azaşdylar.
8 Babyl duýdansyz ýykylyp kül
boldy,
onuň üçin perýat ediň!
Ýarasyna melhem çalyň,
belki-de, şypa tapar.
9 Biz Babyla şypa berjek bolduk,
ýöne ol şypa tapmady!
Ony taşlaň, gideliň!
Her kim öz ýurduna gitsin!
Onuň agyr hökümi göklere ýetdi,
bulutlara çenli beýgeldi.
10 Reb bizi aklady,
geliň, Hudaýymyz Rebbiň işini
Sionda yglan edeliň.
11 Oklary ýiteldiň,
sagdaklary dolduryň!
Reb madaýlaryň patyşalarynyň ruhu-
ny oýardy; Onuň maksady Babyly ýok
etmekdir, Reb Öz öjüni – ybadathana-
synyň öjüni alar.
12 Babyl galasyna garşy tugy
galdyryň;
gözegçiligi güýçlendiriň,
sakçylar goýuň,
bukulary taýynlaň; çünki Reb
Babyl ilatyna
garşy niýetlänini we aýdanyny
ýerine ýetirdi.
13 Eý, bol suwlar ýakasynda,
baý hazynaly ýerde ýaşaýan
halk!
Seniň soňuň geldi,
ömür tanapyň kesildi!»
14 Hökmürowan Reb Özünden ant
içdi:
«Seni çekirtge sürüsi kimin
esgerler bilen dolduraryn,
olar saňa garşy ýeňiş nagrasyny
çekerler».
15 Ýeri Öz gudraty bilen ýaradan
Rebdir.
Ol paýhasy bilen dünýäni
berkarar etdi,
akyly bilen gökleri ýaýdy.
16 Ol gürlände, şaglaýar gökdäki
suwlar,
göterilýär ýeriň uçlaryndan
bulutlar.
Ýagyş üçin ýyldyrymlar
çakdyrýar,
ammarlaryndan şemal
öwüsdirýär.
17 Her bir adam akmak hem
akylsyzdyr,
her zergär ýasan butlaryndan
uýada galar,
olar ýasalandyr, olarda jan
ýokdur.
18 Bular biderekdir, masgarabazlaň
işidir;
jezalandyranymda olar ýok
bolarlar.
19 Emma Ýakubyň paýy beýle däldir,
çünki ähli zatlary ýaradan
Hudaýdyr,
Ysraýyl tiresi Onuň mirasydyr,
Onuň ady Hökmürowan Rebdir.

20 «Sen Meniň gürzim – uruş
ýaragymsyň,
Men seniň bilen milletleri
gyraryn,
seniň bilen patyşalyklary
weýran ederin.
21 Seniň bilen atlary we
çapyksuwarlaryny gyraryn,

seniň bilen söweş arabalaryny
we arabaçysyny gyraryn.
22 Seniň bilen erkekleri hem aýallary,
garrylardyr ýaşlary,
oglanlardyr gyzlary gyraryn.
23 Seniň bilen çopany we sürüsini,
daýhany we ýer sürýän
öküzlerini,
ýolbaşçylary we häkimleri
gyraryn.
24 Sionda gözüňiziň alnynda Babyl ýur-
dunyň we ähli babyllylaryň eden hemme
ýamanlyklaryny özlerine gaýtaryp be-
rerin. Muny Reb aýdýandyr.
25 Men saňa garşydyryn,
eý, weýran edýän dag!
Bütin dünýäni ýykan dag!
Muny Reb aýdýandyr.
Elimi saňa garşy uzadyp,
seni gaýalardan aşak togalaryn,
seni ýanan daga öwrerin.
26 Senden burç daşyny,
binýat daşyny almazlar,
sen ebedilik haraba bolarsyň».
Muny Reb aýdýandyr.
27 Ýurtda baýdak dikiň,
milletler arasynda surnaý çalyň,
milletleri Babyl bilen uruşmaga
taýýarlaň.
Ararat, Minni we Aşkenaz
patyşalyklaryny
Babylyň garşysyna çagyryň,
onuň garşysyna serkerde belläň,
üstüne çekirtge sürüsi kimin
atlar ýollaň.
28 Milletleri, ýolbaşçylary,
häkimleri bilen birlikde
madaý patyşalaryny we olaryň
gol astyndaky ähli ýurtlary
Babylyň garşysyna söweşe toplaň.
29 Ýurt titräp, lerzana gelýär!
Çünki Babyl ýurduny ilatsyz
haraba öwürmek baradaky
Rebbiň niýeti amala aşýar.
30 Babylyň batyrlary söweşmekden
el çekdi,
öz berkitmelerinde otyrlar,
olaryň güýji gaçyp,
heleý ýaly boldular, ýaşaýan
ýerlerine ot berildi,
derwezeleriniň kiltleri döwüldi.
31 Çapar üstüne çapar,
habarçy üstüne habarçy ylgaşyp,
Babyl patyşasyna şu habary
ýetirdiler:
«Şäher doly basylyp alyndy,
32 geçelgeler ele salyndy,
gamyşly batgalyklara ot berildi,
urşujylara gorky aralaşdy».
33 Ysraýyl Hudaýy Hökmürowan
Reb şeýle diýýär:
«Döwek wagty harman ýeri
nähili tapbatlanýan bolsa,
Babyl gyzy-da şeýle ediler.
Ýene az salymdan onuň oruljak
wagty geler.
34 Babyl patyşasy Nebukadnesar
bizi çeýnedi,
bizi owradyp ýenjip,
boş gaba öwürdi.
Aždarha kimin ýuwutdy bizi,
garnyny näz-nygmatdan doýrup,
soňra bizi gusup taşlady.
35 Sionyň ilaty: „Maňa we ysraýyl
doganlaryma
edilen zorluk Babylyň başyna
gelsin!“ diýer.
Iýerusalim: „Dökülen ganymyzyň
huny,
goý, babyllylardan soralsyn!“
diýer».
36 Munuň üçin Reb şeýle diýýär:
«Men seniň hakyňy alyp bererin,
seniň öjüňi alaryn,
Babyl deňzini takyradaryn,
çeşmesini guradaryn.

[37] Babyl daş üýşmeklerine,
şagallar sürenine öwrüler,
howp we ryswaçylyga dönüp,
ol ýerde hiç kim ýaşamaz.
[38] Babyl halky arslan deý arlar,
arslan çagasy kimin hyňranar.
[39] Işdäleri açylan wagty bolsa,
Men olara meýlis guraryn.
Şatlanyp, ebedi uka gitsinler,
hiç wagt oýanmasynlar diýip,
olary serhoş ederin.
Muny Reb aýdýandyr.
[40] Olary guzy, goç, geçi kimin
soýulmaga ibererin.
[41] Wah! Şeşak[a] basylyp alyndy!
Wah! Bütin dünýäniň şöhraty
ele salyndy!
Babyl milletler arasynda howpa
öwrüldi!
[42] Babyly deňiz basdy;
äpet tolkunlar ony büredi.
[43] Onuň şäherleri weýran boldy,
ýurdy hiç kim ýaşamaýan,
hiç bir ynsan geçmeýän
gurak bir çöle döndi.
[44] Babyl hudaýy Beli jezalandyraryn,
ýuwudanyny gusduraryn,
milletler gaýdyp oňa tarap
eňmezler,
Babylyň diwary ýykylar.
[45] Eý, halkym, ol ýerden çyk,
Rebbiň gahar-gazabyndan
hemmäňiz janyňyzy halas ediň.
[46] Ýurtda eşidiljek myş-myşlara
ýüregiňiz tapdan düşmesin,
gorkmaň.
Bir ýyl bir habar geler,
soňraky ýyl başga bir habar.
Ýurtda zorluk höküm sürüp,
bir şanyň başga bir şa
garşydygy hakda
gep-gürrüňler ýaýrar.
[47] Munuň üçin Meniň Babylyň
butlaryny
jezalandyrjak günlerim geler.
Onuň tutuş ýurdy utanja galar,
jesetleri ýurduň ortasynda ýere
serler.
[48] Onsoň demirgazykdan gelen
ýok ediji oňa hüjüm edende,
asman, ýer we olardaky ähli zat
Babylyň başyna gelen zatlara
şatlanyp gygyryşar.
Muny Reb aýdýandyr.
[49] Eý, Ysraýylyň öldürilenleri!
Tutuş ýer ýüzüniň öldürilenleri
üçin
Babyl-da öz gezeginde heläk
bolar.
[50] Eý, gylyçdan gaçyp gutulanlar,
gidiň, saklanmaň!
Rebbi uzak ýurtda ýatlaň
Iýerusalim hakda oýlanyň.
[51] Biz käýinç eşidenimizde utandyk.
Gelmişekler Rebbiň öýüniň
mukaddes ýerlerine girdiler,
şonda ýüzümizi ryswalyk örtdi».
[52] «Onuň butlaryny jezalandyrjak
günlerim geler,
onuň bütin ýurdunda ýaralylar
iňlär.
Muny Reb aýdýandyr.
[53] Babyl göklere çyksa-da,
galasyny belent ýerde
berkitse-de,
Men üstüne ýok edijini
ýollaryn».
[54] Babyldan gykylyk sesi eşidilýär,
ol ýerden weýrançylyk sesi
gelýär!
[55] Çünki Reb Babyly weýran edýär,
şowhunyny basyp ýatyrýar.

[a] **51:41** ***Şeşak*** – bu Babylyň beýleki ady.

Tolkunlary bol suw deý güwleýär,
galmagally sesleri eşidilýär.
56 Babylyň garşysyna helákleýji
çykdy,
onuň batyr ýigitleri ele salyndy,
ýaýlary bölek-bölek boldy,
çünki Reb öç alýan Hudaýdyr;
onuň etmişiniň almytyny berer.
57 Men onuň ýolbaşçylaryny,
akyldarlaryny,
häkimlerini, serkerdelerini,
urşujylaryny serhoş ederin.
Olar ebedi uka gidip
oýanmazlar.
Muny ady Hökmürowan Reb bolan
Patyşa aýdýar.
58 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Babylyň galyň diwarlary ýer
bilen ýegsan bolar,
onuň belent derwezeleri ýakylar,
halklar biderek ýere zähmet
çekerler,
milletleriň der döken zähmeti
oda taşlanar».
59 Bu Ýahuda patyşasy Sidkiýanyň paty-
şalygynyň dördünji ýylydy. Mahseýanyň
agtygy, Neriýanyň ogly Seraýa patyşa-
nyň baş dolandyryjysydy. Ol Sidkiýa
bilen bile Babyla barýarka, Ýerme-
ýa pygamber oňa şu sözi tabşyrypdy.
60 Ýermeýa Babylyň başyna geljek ähli
betbagtlyklary, Babyla degişli bu sözle-
riň baryny bir kagyza ýazdy. 61 Ýermeýa
Seraýa şeýle diýdi: «Babyla baranyňda,
bu sözleriň ählisini halka okap berme-
gi unutma. 62 Onsoň şeýle diý: „Ýa Reb,
bu ýeri ýok etjekdigiňi, onda ynsan-da,
haýwan-da ýaşamajakdygyny, ýurduň
ebedilik harabaçylyga öwrüljekdigini
Özüň aýtdyň“. 63 Bu kagyzdaky ýazylan-
lary okap bolanyňdan soň, ony bir daşa
baglap, Ýewfrat derýasynyň ortasyna
at. 64 Soňra şeýle diý: „Babyl-da şeýdip
suwa batar, onuň başyndan inderjek bet-
bagtlygymdan ýaňa, indi ol hiç haçan
galyp bilmez“».

Ýermeýanyň sözleri şu ýerde gutarýar.

## 52-nji bap

### *Iýerusalimiň synmagy*
*(2 Patyşalar 24:18-20; 25:1-17)*

1 Sidkiýa patyşa bolanda, ýigrimi bir
ýaşyndady. Ol Iýerusalimde on bir ýyl
patyşalyk etdi. Onuň ejesi Hamutal
libnaly Ýermeýanyň gyzydy. 2 Sidkiýa
hem Ýehoýakym ýaly Rebbiň nazarynda
ýigrenji işleri etdi. 3 Rebbiň Iýerusalime
we ýahuda halkyna garşy bolan gahary
tutaşýardy. Ol şonuň üçin olary Öz hu-
zuryndan kowdy.

Sidkiýa Babyl patyşasyna garşy uruş
turuzdy. 4 Sidkiýanyň patyşalygynyň
dokuzynjy ýylynyň onunjy aýynyň onu-
na Babyl patyşasy Nebukadnesar tutuş
goşuny bilen Iýerusalime hüjüm edip,
onuň garşysynda düşelge gurdy. Olar
Iýerusalime girmek üçin, daş-töweregin-
de ýapgyt gurdular. 5 Şeýdip, Sidkiýanyň
patyşalygynyň on birinji ýylyna çenli
Iýerusalim gabawda durdy. 6 Dördünji
aýyň dokuzyna şäherde açlyk güýjäp,
ýurduň ilaty iýmäge çörek tapmady.
7 Galanyň diwarynyň bir bölegi duşman
tarapyndan ýykyldy. Babyllylar galanyň
daş-töweregini gabasalar-da, ähli esger-
ler gije patyşanyň bagynyň ýolundan, iki
diwaryň arasyndaky derwezeden çykyp,
Araba düzlügine tarap gaçyp gitdiler.
8 Emma babyllylaryň goşuny patyşanyň
yzyndan kowup, Ýeriho düzlüginde
yzyndan ýetdi. Patyşanyň ähli goşuny
onuň ýanyndan gaçyp, dagaşyp gitdiler.
9 Onsoň babyllylar patyşany tutup, Hamat
ýurdundaky Ribla getirdiler. Şol ýerde
Babyl patyşasy oňa hököm çykardy.

10 Babyl patyşasy Sidkiýanyň ogullaryny
onuň gözüniň alnynda öldürdi. Riblada
Ýahudanyň ähli ýolbaşçylaryny-da öl-
dürdi. 11 Ol Sidkiýanyň gözlerini oýdurdy
we zynjyr bilen baglap, Babyla alyp
gitdi. Ol ony ölýänçä zyndanda saklady.

12 Babyl patyşasy Nebukadnesaryň
patyşalygynyň on dokuzynjy ýy-
lynyň bäşinji aýynyň onuna şanyň
janpenalarynyň baştutany hem emel-
dary Nebuzaradon Iýerusalime geldi.
13 Nebuzaradon Rebbiň öýüni, patyşanyň
köşgüni we Iýerusalimiň ähli jaýlaryny
oda berdi, ol uly jaýlaryň ählisini ýakdy.
14 Babyllylaryň janpenalarynyň baştu-
tany bilen gelen goşun Iýerusalimiň
daş-töweregindäki diwarlaryň ählisini
ýykdy. 15 Janpenalaryň baştutany Nebu-
zaradon halkyň garyplaryny, şäherde
aman galanlary, Babyl patyşasynyň ta-
rapyna geçen gaçgaklary we aman galan
senetkärleri ýesir edip äkitdi. 16 Emma
janpenalaryň baştutany Nebuzaradon
ýurduň garyp-gasarlarynyň käbirlerini
üzümçilik we daýhançylyk bilen meş-
gullansynlar diýip goýup gaýtdy.

17 Babyllylar Rebbiň öýündäki bürünç
sütünleri, şeýle hem ol ýerdäki arabalary
we bürünç howzy parçalap, ähli bürünji
Babyla alyp gitdiler. 18 Olar ybadathana
hyzmaty üçin ulanylýan gazanlary, pil-
çeleri, ätişgirleri, legenleri, ýakymly ysly
tütetgi ýakmak üçin ulanylýan gaplary
we beýleki bürünç gap-gaçlaryň baryny
alyp gitdiler. 19 Janpenalaryň baştutany
bulardan başga-da okaralary, maňňal-
lary, legenleri, gazanlary, çyradanlary,
gaplary, käseleri alyp gitdi. Ol altyndan
ýasalan zatlary altyny üçin, kümüşden
ýasalan zatlary hem kümşi üçin alyp
gitdi. 20 Süleýman patyşanyň Rebbiň
öýi üçin ýasan iki sütüni, bir howzy we
howzuň aşagyndaky on iki sany bürünç
öküzi üçin sarp edilen bürünjiň agramy
çäksizdi. 21 Bir sütüniň beýikligi on se-
kiz tirsekdi. Töwereginiň aýlawy on iki
tirsekdi. Galyňlygy dört barmak bolup,
içi boşdy. 22 Sütüniň depesinde-de bir
sany bürünç täç bardy. Bir täjiň beýik-
ligi bäş tirsekdi we täjiň daş-töweregine
aýlanan narlardyr örme zynjyrlar hem
tutuş bürünçden ýasalandy. Beýleki
ikinji sütün-de narlar bilen bezelip, edil
birinjä meňzeşdi. 23 Her hataryň töwe-
reginde jemi ýüz nar bardy we ýerden
diňe togsan altysy görnüp durdy.

### *Ýahuda halky Babyla sürgün edilýär*
*(2 Patyşalar 25:18-21)*

24 Baş ruhany Seraýa bilen ikinji ru-
hany Sepanýany hem-de üç sany gapy
sakçysyny janpenalaryň baştutany Ba-
byla ýesir edip äkitdi. 25 Ol şäherde galan
esgerleriň baştutany edip bellenen bir
harby serkerdäni, şäherden tapylan paty-
şanyň ýedi sany maslahatçysyny, ýurduň
ilatyny goşuna ýazýan serkerdäniň mür-
zesini we ýurduň ilatynyň altmyş sany
baştutanyny alyp gitdi. 26 Janpenala-
ryň baştutany Nebuzaradon olary tutup,
Ribla galasyndaky Babyl patyşasynyň
ýanyna getirdi. 27 Hamat ýurdunyň Ribla
galasynda Babyl patyşasy olary öldürdi.
Şeýdip, ýahuda halky öz ýurdundan
sürgün edildi.

28 Nebukadnesaryň ýesir edip getiren
halky, ine, şulardan ybarat: patyşaly-
gynyň ýedinji ýylynda üç müň ýigrimi
üç ýahudany; 29 Nebukadnesaryň pa-
tyşalygynyň on sekizinji ýylynda
Iýerusalimden sekiz ýüz otuz iki adamy;
30 ýigrimi üçünji ýylynda janpenalaryň
baştutany Nebuzaradon ýahudalardan
ýedi ýüz kyrk bäş adamy ýesir edip
äkitdi. Olar jemi dört müň alty ýüz
adamdyr.

***Ýehoýakynyň ýesirlikden boşadylmagy***
*(2 Patyşalar 25:27-30)*

31 Ýahuda patyşasy Ýehoýakynyň
sürgünliginiň otuz ýedinji ýylynda
Ewilmerodak Babyla patyşa boldy. Ol
şol ýylyň on ikinji aýynyň ýigrimi bä-
şinde Ýahuda patyşasy Ýehoýakyna
ýagşylyk edip, ony tussaglykdan boşatdy.
32 Ol Ýehoýakyn bilen mähirli söhbet et-
di we ony Babyla sürgün edilen beýleki
şalardan ileri tutdy. 33 Şeýdip, Ýehoýakyn
tussaglykdaky geýimlerini çykardy. Ol
galan ömrüniň ähli günlerinde patyşa-
nyň saçagyndan naharlandy. 34 Onuň
gündelik eklenji tä ölýänçä Babyl pa-
tyşasy tarapyndan berildi.

# Ýermeýa pygamberiň agysy

## Giriş

Bu kitap ýewreý dilinde «Nädip?» diýmegi aňladýar, ýöne beýan edýän wakalaryna görä *Ýermeýanyň agysy* diýip atlandyrylýar. Kitaby kimiň ýazandygy anyk mälim bolmasa-da, ony Ýermeýa pygamber ýazypdyr diýip hasaplaýarlar. Taryhy wakalaryň beýanyna görä, b. e. öň 586-njy ýylda, ýagny Iýerusalimiň weýran edilen wagtynda Ýermeýa pygamber şol ýerdedi. Bu bolsa kitap Ýermeýa pygamber tarapyndan ýazylandyr diýip pikir etmäge doly esas berýär. Mukaddes Ýazgylarda ahy-nalalar diňe «Ýermeýanyň agysynda» däl, eýsem «Mezmurlar» kitabynda hem köp beýan edilendir.

Kitap goşgy görnüşinde ýazylandyr. Bu goşgular şygryýetiň ýörite tärinde düzülip, her setiri ýa-da her bendiniň setirleri elipbiý tertibinde gelýän harpdan başlanýar. Şeýle tärde düzülen goşgynyň setirleriniň başky harplary ýokardan aşak okalanda haýsydyr bir sözi ýa-da jümläni düzýär. Ýewreý elipbiýiniň birinji harplary א (alef) we ב (bet) harplary bolup, ol jemi 22 harpdan ybaratdyr. Kitapda aýatlaryň haýsy harpdan başlanýandygyny görkezmek üçin, goşmaça sözbaşylar ýewreý elipbiýiniň harplary bilen aňladylandyr. Üçünji ahy-nala (3-nji bap) 66 aýatdan ybarat bolansoň, 3 aýat alef-den, 3 aýat bet-den we şoňa meňzeş tertipde başlanýar. Bu ahy-nala kitabyň ortasynda ýerleşip, aýatlarynyň 3 esse köp bolmagy onuň aýratyn nygtalmagyna ýardam edýär. Akrogoşgy – setirleriniň başky harplary ýokardan aşak okalanda haýsydyr bir sözi ýa-da jümläni düzýän goşgy.

***Mazmuny***


Iýerusalimiň ahy-nalasy ........ *1:1-22*
Iýerusalimiň jezasy ........ *2:1-22*
Jeza we umyt ........ *3:1-66*
Iýerusalim ýykylýar ........ *4:1-22*
Rehimdarlyk üçin dileg ........ *5:1-22*

## 1-nji bap

### *Iýerusalimiň ahy-nalasy*

*Alef*

1 Wah, öň adamdan doly şäher,
indi ýalňyz boşap galdy!
Milletler arasynda beýik bolan
indi dul hatyna meňzäp galdy!
Öň welaýatlaryň melikesi bolan,
indi gyrnaga öwrüldi!

*Bet*

2 Gijesine zar-zar aglaýar,
ýaňaklarynda gözýaşy.
Oýnaşlaryndan
köşeşdirýän ýok ony.
Ähli dostlary haýynlyk edip,
oňa duşman boldular.

*Gimel*

3 Ýahuda köp hasrat we agyr
zähmet çekdi,
indi bolsa ýesir edip äkidildi.
Ol milletler arasynda ýaşaýar.
Ol hiç bir dynçlyk tapman,
betbagtlyga uçranynda,
kowguçylarynyň eline düşdi.

*Dalet*

4 Siona[a] barýan ýollar ýas baglaýar,
çünki baýramçylygyna gelýän ýok.
Ähli derwezeleri çolaryp galan,
ruhanylary ahy-nala çekýär.
Gaýgy-hasrat çekýär ýaş gyzlary,
özi hem gam-gussa batýar.

*He*

5 Ýagylary hökümdar bolýar,
duşmanlary rowaçlanýar.
Ýazygynyň agyrdygy üçin Reb
bu hasraty çekdirdi Siona.
Duşmanynyň öňüne salnyp,
çagalary sürgün edildi onuň.

*Waw*

6 Sion gyzynyň[b] ähli şan-şöhraty
gaçdy.
Ýolbaşçylary öri tapmaýan
keýik kimindi,
kowguçylardan gaçmaga
mejallary ýokdy.

*Zaýin*

7 Hasratly hem sergezdanlyk
gününde Iýerusalim
öňki günlerdäki eýe bolan
baýlygyny ýatlaýar.
Halky duşmanyň eline düşende,
hiç kim oňa kömek etmedi.
Ol ýer bilen ýegsan bolanda,
duşmany üstünden güldi.

*Ḥet*

8 Iýerusalim agyr günä etdi,
şeýdip, ol gülki boldy.
Öňki sylaýanlar ýalaňaçlygyny
görüp,
indi ony ýigrenýärler.
Munuň üçin onuň özi ah çekip,
hemmelerden ýüzüni gizleýär.

*Ṭet*

9 Iýerusalimiň ahlaksyzlygy
etegindedi,
gelejegi hakda pikir etmedi.
Onuň ýykylyşy aýylgançdy,
oňa teselli berýän ýokdy.
«Ýa Reb, agyr halyma nazar sal,
çünki duşman üstün çykdy!»

---

[a] **1:4** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.
[b] **1:6** ***Sion gyzy*** – bu ysraýyl halky diýmekdir. Sözlüge seret.

*Ýod*

10 Duşman onuň iň gymmatly
zatlaryna el urdy,
milletlere ybadathana girmegi
gadagan etseň-de,
Iýerusalim olaryň
girýändiklerini gördi.

*Kaf*

11 Bir döwüm çörek gözläp,
bütin halky ah çekýär;
täzeden güýje girmek üçin,
hazynalaryny iýmite berýär.
«Ýa Reb, ine, halyma seret,
men nähili dereksiz boldum.

*Lamed*

12 Eý, ötegçiler, siziň üçin bu hiç
zatmy?
Ine, halymy görüň,
heý-de, meniň başymdan inen
gam-gussa ýaly gam-gussa
barmy?
Reb gazapdan dolup lowlan güni
bu hasraty çekdirdi maňa.

*Mem*

13 Ýokardan ot iberip,
süňklerimi köýdürdi;
aýagyma duzak gurup,
meni arkan agdardy;
meni weýran edip,
bütin gün tapdan düşürdi.

*Nun*

14 Günälerim boýuntyrygyma
baglandy,
Rebbiň Öz eli bilen işilip,
meniň boýnumdan asyldy,
Ol güýjümi tüketdi;
Taňry meni garşy durup bilmedik
duşmanlarymyň eline berdi.

*Sameh*

15 Terk etdi Taňrym ähli
urşujylarymy,
goşun çagyrdy gyrmak üçin
ýigitlerimi.
Taňry Ýahuda boý gyzyny
üzüm sykýan dek sykyp ýençdi.

*Ğaýin*

16 Men bular üçin aglaýaryn,
gözýaşlarym sil bolup akýar.
Janyma aram berýän ýok,
teselli beriji menden uzakda.
Çagalarym derbi-dagyn edildi,
çünki duşman üstün çykdy».

*Pe*

17 Sion elini uzadýar,
emma oňa teselli berýän ýok.
Ýakuba duşman boluň diýip,
Reb emr etdi goňşy halklara.
Iýerusalim olaryň arasynda
murdar zada öwrüldi.

*Tsadi*

18 Reb adyldyr,
men bolsa buýrugyna garşy
çykdym,
emma siz, eý, bütin halklar, gulak
goýuň,
meniň çekýän derdimi görüň;
sürgün edildi ýaş gyzdyr
ýigitlerim.

*Ķof*

19 Oýnaşlarymy çagyrdym,
emma olar meni aldawa
saldylar.
Ruhanylarym we ýaşulularym
täzeden güýje girmek üçin
özlerine iýmit gözleýärkäler,
şäherde heläk boldular.

*Reş*

20 Seret, ýa Reb, nähili ejir çekýän,
içim ýanýar,
ýüregim çat açýar,
çünki Saňa garşy baş galdyrdym.
Daşarda gylyç gyrýar,
içerde ölüm höküm sürýär.

*Şin*

21 Olar ahy-nalamy eşitdiler,
emma maňa teselli berýän ýok.
Jebrimi ähli duşmanlarym eşitdi,
Seniň muny edeniňe şatlandylar.
Yglan eden günüňi getir,
olar-da meniň ýaly bolsunlar.

*Taw*

22 Ähli pislikleri Saňa aýan bolsun;
tutuş ýazyklarym sebäpli
maňa näme eden bolsaň,
olara hem şony etgin.
Ahy-nalam köpdür,
ýüregim tapdan düşendir.

## 2-nji bap

### *Iýerusalimiň jezasy*

*Alef*

1 Wah, Taňry gazap atyna
atlanyp-ha,
Sion gyzyny gara buluda
gaplady-la!
Ol Ysraýylyň gözelligini
gökden ýere taşlady.
Ol gahary gelen güni Öz
aýagynyň kürsüsini terk etdi.

*Bet*

2 Taňry Ýakubyň ähli mekanyny
weýran etdi
hiç rehimdarlyk etmedi.
Ýahuda gyzynyň galalaryny ýykdy
gahar-gazaby ýatmady.
Patyşalygyny hem
hökümdarlaryny
masgaralap, ýer bilen ýegsan etdi.

*Gimel*

3 Çogýan gahary bilen
Ysraýylyň ähli güýjüni ýok etdi.
Duşman çozanda sag elini yza
çekdi.
Daş-töweregini oda berip,
alawly ot kimin Ýakubyň
ýurduny ýakdy.

*Dalet*

4 Duşman kimin ýaýyny çekdi,
elini galdyrdy ýagy kimin.
Göz-guwanjymyzyň baryny
öldürdi;
Sion gyzynyň çadyrynyň üstüne
gazabyny ot kimin pürkdi.

*He*

5 Taňry duşman ýaly bolup,
Ysraýyly ýumurdy.
Ähli köşklerini ýykyp,
galalaryny weýran etdi.
Ýahuda gyzynyň ýasdyr
ahy-nalasyny has-da köpeltdi.

*Waw*

6 Ybadathanasyny çatma deý
ýykdy,
halkyň ybadat öýüni
wes-weýran etdi.
Reb Sionda baýramlardyr
Sabat gününi unutdyrdy.
Gahar-gazaba münüp,
patyşany we ruhanyny ret etdi.

*Zaýin*

7 Taňry gurbanlyk sypasyny taşlady,
mukaddes öýüni terk etdi.

Köşkleriniň diwarlaryny
duşmanyň eline berdi.
Rebbiň öýündäki duşmanyň
gykylygy
baýramçylyk gündäki owaza
meňzedi.

*Ḥet*
8 Reb Sion gyzynyň diwaryny
weýran etmegi ýüregine düwdi.
Ölçeg ýüpüni gerip,
ýykmakdan el çekmedi.
Daşky, içki diwar doldy ýas bile,
ikisi-de ýegsan boldy ýer bile.

*Ṭet*
9 Onuň derwezeleri ýere çökdi;
Reb kiltlerini döwüp ýok etdirdi.
Patyşasy we ýolbaşçylary
ýat milletleriň arasynda galdy.
Indi halka öwüt-nesihat
berilmeýär,
pygamberlerine Rebden görnüş
gelmeýär.

*Ýod*
10 Sion gyzynyň ýaşululary
ýerde çök düşüp otyrlar ümsüm.
Jul geýindiler,
başlaryndan sowurdylar gum.
Başlaryny aşak egdiler,
Iýerusalimiň ýaş gyzlary hem.

*Kaf*
11 Gözlerim ýaş dökmekden küteldi,
içim ýanýar.
Eziz halkymyň weýrançylygy
zerarly
gara bagrym gan bolýar,
çünki şäheriň köçelerinde
çagalardyr bäbekler mejalsyz
ýykylýar.

*Lamed*
12 Şäher köçelerinde ýaralanan dek
huşuny ýitirýärler.
«Hany çörek we şerap?» diýip,
ejelerine perýat edýärler.
Olaryň gujagynda jan berýärkä.

*Mem*
13 Men saňa näme diýeýin?
Eý, Iýerusalim gyzy, seni nämä
meňzedeýin?
Eý, Sion boý gyzy,
teselli berer ýaly, seni nämä
deňeşdireýin?
Seniň heläkçiligiň deňiz deý ägirt,
kim şypa berer saňa?

*Nun*
14 Sen hakda pygamberleriň
galp, manysyz görnüşler
gördüler.
Öňki kaddyňa dikeltmek üçin
etmişiňi ýüzüňe basmadylar.
Gaýtam, seni ýoldan çykarýan
ýalan görnüşler gördüler.

*Sameh*
15 Ähli ötegçiler saňa el çarpýarlar.
Iýerusalim gyzyna sykylyk
atyp:
«Bütin dünýäň şatlygy, gözellik
görki
diýilýän şäher şumy?» diýşip,
başlaryny ýaýkaýarlar.

*Pe*
16 Ähli duşmanlaryň seni
ýaňsylaýarlar,
sykylyk atyp, dişlerini gyjaýarlar.
Olar: «Biz ony ýuwutdyk!
Ine, şudy biziň garaşýan
günümiz.

Ahyry muny-da gördük!» diýip
gygyryşýarlar.

*Ğaýin*

17 Reb Öz niýetini amala aşyrdy,
owaldan belleýşi ýaly,
Öz sözlerini berjaý etdi.
Seni rehimsizlik bilen heläk
etdi,
şat etdi halyňa duşmanyňy,
ýagylaryňa kuwwat berdi.

*Tsadi*

18 Halk Rebbe ýürekden perýat
edýär.
Gije-gündiz gözýaşyň sil bolup
aksyn,
gözleriňiň ýaşy kepemesin,
eý, Sion gyzynyň diwary!

*Ķof*

19 Tur! Gijeki nobat başynda
perýat et!
Ýüregiňi Taňrynyň huzurynda
suw kimin dök!
Her köçäniň başynda açlygyndan
ýykylýan
çagalaryňyň jany üçin eliňi ser
Oňa.

*Reş*

20 Seret, ýa Reb, halkyňyň halyna
bak!
Kimi beýle güne salanyňy gör!
Aýallar öz dogran eziz çagalaryny
iýsinlermi?
Ruhany we pygamber mukaddes
öýüňde öldürilsinmi?

*Şin*

21 Ýaşy-garrysy ýoluň üstünde ýatyr,
gyzlarymdyr ýigitlerimi
gylyçdan geçirdiler.
Gaharyň gelen güni Sen olary
öldürdiň,
rehimsizlik bilen baryny
gyrdyň.

*Taw*

22 Çar tarapdan maňa howp
salanlary çagyrdyň,
baýramçylyk günündäki kimin
olary üýşürdiň.
Rebbiň gahary gelen güni hiç kim
gaçyp gutulmady,
olaryň arasyndan diri galany
bolmady,
söýüp ulaldan çagalarymy
duşmanym heläk etdi.

## 3-nji bap

### *Rebbiň sadyk söýgüsi tükenmezdir*

*Alef*

1 Hudaýyň gazap taýagyndan
hasrat çeken adam men.
2 Ol meni idip,
yşyksyz tüm garaňkylyga
getirdi.
3 Ol bütin gün gaýta-gaýta
garşyma elini galdyrdy.

*Bet*

4 Etimi, hamymy çüýretdi,
süňklerimi döwüp taşlady.
5 Üstüme çozup, daşymy gabady,
başyma hasrat hem dert saldy.
6 Bireýýäm ölenler kimin
meni garaňkylykda ýaşatdy.

*Gimel*

7 Gaçmaz ýaly daşyma diwar aýlady,
boýnuma agyr zynjyrlar saldy.
8 Perýat edip, kömege çagyranymda,
Ol dilegime gulak salmady.

[9] Ýonma daşlar bilen ýolumy
ýapdy,
ýodalarymy egreltdi.

*Dalet*
[10] Hudaý meni peýleýän aýydyr,
bukuda ýatan arslandyr.
[11] Ýolumdan azaşdyryp parçalady,
halys sandan çykardy.
[12] Ol ýaýyny çekdi,
meni okuna nyşan edindi.

*He*
[13] Sagdagyndaky oklary atyp,
bagrymy deşdi.
[14] Men ähli halkyma gülki boldum,
günuzyn olaryň aýdymy
boldum.
[15] Ol meni hasratdan doýrup,
ýowşanyň ajy suwuny içirdi.

*Waw*
[16] Çagyl bilen dişlerimi owratdy,
kül içinde depip, dyza çökdürdi.
[17] Meniň janym rahatlygy unutdy,
şatlygyň nämedigi ýatdan çykdy.
[18] Özüme diýdim: «Jandan el
üzdüm,
Rebbe bolan ähli umydym
öçdi».

*Zaýin*
[19] Hasratymdyr sergezdanlygym
hakda oýlansam,
ajy ýowşan bilen zäher-zakgun
içen ýalydyr!
[20] Janym muny dyngysyz ýatlaýar,
şonuň üçin ýüregim paralanýar.
[21] Emma şuny ýatda saklaýan,
şonda ýene-de umyt döreýär:

*Ḥet*
[22] Rebbiň sadyk söýgüsi
tükenmezdir[a],
çünki Onuň rehimdarlygy
bakydyr.
[23] Her säher bular täzelenýär,
Seniň wepadarlygyň beýikdir!
[24] Janym diýýär: «Reb meniň
paýymdyr.
Şoňa görä Oňa intizardyryn».

*Ṭet*
[25] Reb Özüne bil baglaýanlara,
Özüni ýürekden agtarýanlara
ýagşydyr.
[26] Rebbiň halas edişine
ümsüm garaşmak gowudyr.
[27] Adama boýuntyrygy
ýaşlykdan götermek gowudyr.

*Ýod*
[28] Ynsan dymyp, ýalňyz otursyn,
çünki boýuntyrygy dakan Rebdir.
[29] Ýere ýüzin ýykylsyn,
belki, umyt bardyr.
[30] Özüni urana ýaňagyny tutsun,
masgaralanmakdan doly bolsun.

*Kaf*
[31] Çünki Taňry hiç wagt
ömürlik terk etmez.
[32] Ol birine hasrat çekdirse-de,
bol merhemetine görä rehim-de
eder.
[33] Hasrat berip, gaýga batyrsa-da,
bulary Ol ýürekden etmez.

*Lamed*
[34] Ýurduň ähli ýesirleri
aýak astynda depelenende,

---

[a] **3:22** ***Rebbiň sadyk söýgüsi tükenmezdir*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Rebbiň söýgüsi sebäpli biz ýok bolup gitmedik* diýip duş gelýär.

[35] Beýik Hudaýyň huzurynda
ynsan hukuklary kemsidilende,
[36] dawada birine adalatsyzlyk edilen
wagty,
Taňry olary görýän dälmidir?

*Mem*
[37] Bulary Taňrynyň Özi buýurmasa,
kim buýruk berip ýerine
ýetirderdi?
[38] Ýagşylyk hem, ýamanlyk hem
Beýik Hudaýyň agzyndan
çykmaýarmy?
[39] Öz günäleri üçin jezasyn alsa,
diri galan adam näme üçin
zeýrensin?

*Nun*
[40] Geliň, ýollarymyzy synap göreliň,
täzeden Rebbe gaýdyp baralyň.
[41] Geliň, gökdäki Hudaýa
elimizi-de, ýüregimizi-de
açalyň.
[42] Biz günä edip baş galdyrdyk,
Sen bizi bagyşlamadyň.

*Sameh*
[43] Kowaladyň bizi gazap bilen,
rehimsizlik bilen öldürdiň.
[44] Özüňi buluda bürediň,
dilegler eşidilmesin diýip.
[45] Bizi milletler arasynda
syr-süplüge, zir-zibile öwürdiň.

*Pe*
[46] Ähli duşmanlarymyz
bizi ýaňsyladylar.
[47] Üstümize howp we hile,
harabaçylyk we weýrançylyk
abandy.
[48] Eziz halkymyň heläkçiliginden
ýaňa
gözýaşlarym sil bolup akýar.

*Ğaýin*
[49-50] Reb gökden aşak nazar salýança,
gözýaşlarym hiç tükenmez, asla
kepemez.
[51] Şäherimdäki gyzlaryň halyna
ýüregim gyýym-gyýymdyr.

*Tsadi*
[52] Maňa nähak duşman bolanlar
meni guş kimin awlap tutdular.
[53] Diriligime çukura taşlap,
üstümden daş okladylar.
[54] Suwlar depämden aşdy,
«Men heläk boldum» diýdim.

*Ķof*
[55] Çukuryň düýbünden
Seni çagyrdym, ýa Reb.
[56] «Gulagyňy dykma, perýadyma
gulak goý»
diýen sözlerimi eşitdiň.
[57] Seni çagyranymda, ýanyma gelip:
«Gorkma!» diýdiň.

*Reş*
[58] Eý, Taňry, janymy gutaran
Sensiň,
ömrümi halas eden Sensiň.
[59] Ýa Reb, maňa edilen
adalatsyzlygy gördüň,
meniň hakymy alyp ber.
[60] Menden nähili öç alyşlaryny
gördüň,
garşyma guran dildüwşüklerini
bildiň.

*Şin*
[61] Ýa Reb, olaryň masgaralaýşyny
eşitdiň,
garşyma guran dildüwşüklerini
gördüň.
[62] Duşmanlarymyň bütin gün meniň
garşyma

edýän hyşy-wyşylaryny we
hüňürdilerini eşitdiň.
63 Ertirden agşama çenli
men olaryň ýaňsy aýdymy boldum.

*Taw*
64 Olaryň elleri bilen edenlerini
eginleri bilen çekdir, ýa Reb!
65 Ýüreklerine howsala sal.
Goý, näletiň olaryň üstünden
insin!
66 Gazap bilen kowalap,
gökleriň astyndan olary ýok et,
ýa Reb!

## 4-nji bap

### *Iýerusalim ýykyldy*

*Alef*
1 Wah, altyn nähili garaldy-la!
Sap altyn nähili üýtgedi-le!
Mukaddes daşlar çaşyp ýatyr
her köçäniň başynda.

*Bet*
2 Sionyň jandan eziz çagalary
sap altyndan-da gymmatlydy!
Wah, indi küýzegäriň eliniň işi
gury bir toýna deň bolup galdy!

*Gimel*
3 Hatda şagallar-da emjek berip,
öz balalaryny emdirýändir,
emma eziz halkym çöl düýeguşy
kimin
çagalaryna rehimsiz boldy.

*Dalet*
4 Süýt emýän çaganyň dili
teşnelikden damagyna ýapyşýar.
Çagalar çörek diläp ýalbarýarlar,
emma hiç kim hiç zat bermeýär.

*He*
5 Näz-nygmatlar iýip ýaşanlar
köçelerde açlyk çekýärler.
Gyrmyzy don geýip ulalanlar
iýmit gözläp, zir-zibili
dörýärler.

*Waw*
6 Çünki eziz halkymyň jezasy
ynsan eli degmezden
bir demde ýykylan
Sodomyň jezasyndan uludyr.

*Zaýin*
7 Onuň ýolbaşçylary gardan arassa,
süýtden akdylar.
Bedenleri merjenden gyzyl,
daş sypatlary ýakut kimindi.

*Ḥet*
8 Indi ýüzleri kömürden gara,
köçelerde tanalmaýarlar.
Derileri süňklerine ýapyşyp,
gury agaja döndüler.

*Ṭet*
9 Açlykdan öleniňden
gylyçdan öleniň gowudyr.
Ýeriň hasylyndan mahrum bolup,
olaryň ömür tanaplary gyryldy.

*Ýod*
10 Ýuka ýürek aýallar çagalaryny
öz elleri bilen özleri bişirdi.
Eziz halkymyň heläkçilik
gününde
çagalary olara iýmit boldy.

*Kaf*
11 Reb gahar-gazabyny pürkdi,
lowlaýan gaharyny saçdy.
Siona garşy tutaşdyran ody
onuň düýplerini-de ýandyrdy.

*Lamed*

12 Dünýädäki patyşalaryň,
ynsanlaryň hijisi
Iýerusalimiň derwezelerinden
ýagylardyr
duşmanlaryň girjegine
ynanmazdylar.

*Mem*

13 Bularyň bary pygamberleriniň
günäsi,
ruhanylarynyň etmişi üçin
boldy.
Çünki olar şäheriň ortasynda
dogruçyllaryň ganyny dökdüler.

*Nun*

14 Kör kimin köçelerde entediler,
gan bilen haram boldular.
Muňa görä geýimlerine
el degrip bilen bolmady.

*Sameh*

15 Halk olara: «Ýok boluň, eý,
haramlar!
Gaçyň! Aýrylyň! Ellemäň!»
diýdi.
Şeýdip, olar kowlup, sergezdan
boldular.
Milletler arasynda olara şeýle
diýildi:
«Bu ýerde mundan artyk
galmasynlar!»

*Pe*

16 Rebbiň Özi olary dargatdy,
Reb indi olara nazar salmaz.
Ruhanylaryna hormat goýulmaz,
ýaşulularyna rehim edilmez.

*Ğaýin*

17 Kömege biderek garaşmakdan
gözlerimiz küteldi.
Biz sakçylyk diňinde köp
garaşdyk,
halas etmeýän millete garaşan
ekenik.

*Tsadi*

18 Yzymyzy yzarladylar,
köçelerimizde gezip bilmedik;
ahyrymyz golaý, günlerimiz
gutardy,
çünki soňumyz ýetip gelipdi.

*Ķof*

19 Bizi kowalaýanlar
gökdäki bürgütlerden
ýyldamdy.
Olar daglarda bizi yzarladylar,
çölde bizi peýläp ýatdylar.

*Reş*

20 Dirilik nepesimiz, Rebbiň
seçip-saýlany
olaryň çukuryna gaçdy.
Biz ol hakda: «Onuň saýasynda
milletler arasynda ýaşarys»
diýipdik.

*Şin*

21 Eý, Us ýurdunda ýaşaýan
Edom gyzy, şatlan, begen!
Ýöne käse gezegi saňa-da ýeter,
serhoş bolup ýalaňaçlanarsyň
şonda.

*Taw*

22 Eý, Sion gyzy, günäňiň jezasy
tamamlandy,
Reb indi seni gaýdyp sürgün
etmez,
emma seniň etmişiňiň jezasyn
berip,
günäleriňi paş eder Ol, eý,
Edom gyzy.

## 5-nji bap

### *Rehimdarlyk üçin dileg*

1 Ýa Reb, biziň başymyza gelenini
ýatla.
Seret-de, biziň
masgaraçylygymyzy gör!
2 Mirasymyz kesekilere,
öýlerimiz gelmişeklere galdy.
3 Biz atasyz ýetim galdyk,
ejelerimiz bolsa dul galdy.
4 Suwumyzy pul töläp içdik,
odunymyzy-da satyn aldyk.
5 Bizi boýuntyryk dakyp
kowaladylar,
tapdan düşdük, dynçlyk
bermeýärler.
6 Doýa-garna çörek iýmek üçin
Müsüre we Aşura elimizi serdik.
7 Ata-babalarymyz günä etdiler;
indi olar ýok,
emma olaryň jezasyny biz
çekýäris.
8 Üstümizden gullar höküm
sürýär,
olaryň elinden bizi halas edýän
ýok.
9 Çöldäki garakçynyň gylyjy
zerarly
nanymyzy janymyzdan geçip
gazanýas.
10 Ýakyp barýan açlygyň derdinden
derimiz ýanýan köz kimin
gyzardy.
11 Ýahudanyň şäherlerinde
gyzlaryň,
Sionda gelinleriň namysyna
degildi.
12 Ýolbaşçylaryny ellerinden
asdylar,
baştutanlaryna hormat
goýmadylar.
13 Ýigitler degirmen daşyny
aýlaýarlar,
olar odun ýüküň astynda
ýegşerýärler.
14 Garrylar şäher derwezesinde
oturmaýarlar,
ýaş ýigitler saz gurallaryny
çalmaýarlar.
15 Ýüreklerimiziň şatlygy kesildi,
tanslarymyz indi ýasa öwrüldi.
16 Başymyzdan täç gaçdy.
Waý halymyza! Çünki günä
etdik.
17 Munuň üçin ýüregimiz agyrdy,
gözlerimiz küteldi.
18 Çünki Sion dagy weýran bolup,
şagallar sümsünişip ýör üstünde.
19 Ýöne Sen, ýa Reb, ebedi höküm
sürersiň,
Seniň tagtyň nesilden-nesle
dowam eder.
20 Neçün Sen bizi ebedilik
unudýarsyň?
Neçün bizi uzak wagtlap terk
edýärsiň?
21-22 Bize çäksiz gaharlanyp,
bütinleý ret etmedik bolsaň,
bizi Özüňe öwür, ýa Reb, biz
öwrüleris,
bize öňki günlerimizi gaýtaryp
ber!

# Ezekiýel pygamberiň kitaby

## Giriş

Ýahudy halky Babyl sürgünliginde bolan döwründe, b. e. öň 593-nji ýylda Reb Ezekiýel (Kifl) pygamberi çagyrýar. Ezekiýel pygamber muny şeýle beýan edýär:

*«Kebar kanalynyň ýakasynda sürgün edilenleriň arasyndakam, gökler açyldy we men Hudaýdan gelen görnüşleri gördüm. Bu sürgünde bolýan wagtymyzyň otuzynjy ýylynyň dördünji aýynyň bäşine boldy. Bu Ýoýakyn patyşanyň sürgün edilmeginiň bäşinji ýylydy. Dördünji aýyň bäşine babyllylaryň ýurdundaky Kebar kanalynyň ýakasynda Buzynyň ogly Ezekiýel ruhana Rebbiň sözi aýan boldy. Ol ýerde Rebbiň eli onuň üstündedi»*

*1:1-3.*

Ezekiýel hem pygamber, hem ruhanydy. Ol ruhanylaryň neslinden bolup, Hudaýa hyzmat etmäge saýlanylan maşgalada doglupdy. Onuň pygamberlikleri ruhanynyň ýüregini şatlandyrýardy. Olardan ybadathananyň dikeldilmegi baradaky (40 – 43-nji baplar), ruhanylygyň galkynmagy (44-nji bap) we Hudaýyň şalygy (45 – 48-nji baplar) baradaky pygamberlikleri aýratyn belläp geçmek bolar. Ezekiýeliň käbir pygamberlikleri apokaliptik žanrynda ýazylandyr. Şeýle žanrda ýazylan pygamberlikler adaty bolmadyk şekillerden we görnüşlerden ybarat bolýar. Danyýel pygamber bilen Zakarýa pygamberleriň gören görnüşleriniň beýany hem şu žanra degişlidir.

Ezekiýel pygamberiň kitabynda Hudaý köplenç Hökmürowan Reb diýip atlandyrylýar. Bu at ilkinji gezek 2:4-de duş gelýär. Ýewreý dilinde bu Adonaý Ýahwe diýmegi aňladýar. Adonaý sözi adatça Taňry, Ýahwe – Reb diýip terjime edildi. Emma bu sözleriň utgaşyp gelen ýagdaýlarynda Hökmürowan Reb diýip terjime edildi.

### *Mazmuny*


Reb Ezekiýel pygamberi çagyrýar ........ *1:1–3:27*
Iýerusalimiň ykbaly baradaky pygamberlik ........ *4:1–24:27*
Reb milletleri höküm edýär ........ *25:1–32:32*
Reb Öz halkyna wada berýär ........ *33:1–37:28*
Hökümdar Goga garşy pygamberlik aýdylýar ........ *38:1–39:29*
Gelejekki ybadathana we ýurt baradaky görnüşler ........ *40:1–48:35*


---

## 1-nji bap

### *Reb Ezekiýel pygambere aýan bolýar*

1 Kebar kanalynyň ýakasynda sürgün
edilenleriň arasyndakam, gökler açyldy
we men Hudaýdan gelen görnüşleri gör-
düm. Bu sürgünde bolýan wagtymyzyň
otuzynjy ýylynyň dördünji aýynyň bäşi-
ne boldy. 2 Bu Ýoýakyn patyşanyň sürgün
edilmeginiň bäşinji ýylydy. Dördünji
aýyň bäşine 3 babyllylaryň ýurdundaky
Kebar kanalynyň ýakasynda Buzynyň
ogly Ezekiýel ruhana[a] Rebbiň sözi
aýan boldy. Ol ýerde Rebbiň eli onuň
üstündedi.

4 Men demirgazykdan tupanly şemalyň
gelýänini gördüm. Şöhleli, üznüksiz ot
saçýan äpet bulut gelýärdi, oduň ortasyn-
da ýakuda meňzeş bir zat ýalpyldaýardy.
5 Buludyň ortasynda keşpleri ynsana
meňzeş dört sany jandaryň duranyny
gördüm. 6 Olaryň hersiniň dört ýüzi we
dört ganaty bardy. 7 Aýaklary gönüdi,
dabanlary göläniň toýnagyna meňzeýär-
di we ýaldyrawuk bürünç kimin şöhle
saçýardy. 8 Ganatlarynyň astyndan, dört
gapdalyndan ynsan elleri çykyp durdy.
Dördüsiniň-de ýüzleri we ganatlary şeý-
ledi: 9 olaryň ganatlary biri-birine degip
durdy. Jandarlar ýöränlerinde hiç ýana
öwrülmän, her haýsy öz tarapyna göni
gidýärdi. 10 Olaryň dördüsiniň-de ýüz
keşpleri şeýledi: öňde dördüsiniň-de
ynsan ýüzi, sag tarapynda arslan ýüzi,
çep tarapynda öküz ýüzi we yzda bür-
güt ýüzi bardy. 11 Olaryň ýüzleri şeýledi.
Ganatlary bolsa ýokaryk gerilgidi; her
jandaryň ganatlarynyň ikisi biri-birine
galtaşyp durdy, beýleki iki ganaty bolsa,
olaryň bedenlerini örtýärdi. 12 Olaryň her
biri gös-göni hereket edýärdi. Olar hiç
ýana sowulman, Ruhuň isleýän ugruna
gidýärdiler. 13 Bu jandarlaryň görnüşi
ýanyp duran oduň közlerini ýa-da şam-
çyraglary ýada salýardy; ot jandarlaryň
ortasynda dyngysyz hereket edýärdi.
Ot şöhle saçýardy we ondan ýyldyrym
çykýardy. 14 Jandarlar ýyldyrym çaltly-
gynda gelip-gidip durdular.

15 Men jandarlara seredenimde, ine,
dört ýüzli jandarlaryň ýanynda ola-
ryň hersi üçin ýerde bir tigir gördüm.
16 Tigirleriň görnüşi we gurluşy şeýledi:
olar sary ýakut kimin ýalpyldaýardy
we dördüsi-de biri-birine meňzeşdi;
olaryň görnüşleri we gurluşlary tigir
içindäki tigir ýalydy. 17 Çar tarapa ýöräp
bilýärdiler; tigirler hiç ýana öwrülmeýär-
diler. 18 Tigirleriň gurşawlary belent hem
gorkunçdy; dördüsiniň-de gurşawlary
tutuşlaýyn gözlerden doludy.

19 Jandarlar ýöränlerinde, tigirler-de
olaryň ýany bilen ýöreýärdiler; jandarlar
ýerden galanlarynda, tigirler-de bile ýer-
den galýardylar. 20 Ruh nirä gitmek islese,
olar-da şol ýana gidýärdiler. Jandarlaryň
ruhy tigirlerdedigi üçin, tigirler-de olar
bilen bile ýerden galýardylar. 21 Jandarlar
ýöreseler, tigirler-de ýöreýärdiler; jan-
darlar dursalar, tigirler-de durýardylar.
Jandarlaryň ruhy tigirlerdedigi üçin,
olar ýerden galanlarynda, tigirler-de
bile galýardylar.

22 Gümmeze çalymdaş, buz ýaly ýal-
dyraýan gorkunç bir zat jandarlaryň
kelleleriniň üstüne ýaýylypdy. 23 Güm-
meziň aşagynda olaryň ganatlary
biri-birine tarap gerilgi ýagdaýda gö-
nelip durdy. Olaryň hersiniň bedenini
örtýän başga-da iki ganaty bardy. 24 Olar
ýöränlerinde, ganatlaryndan çykýan

[a] **1:3 *Buzynyň ogly Ezekiýel ruhana*** – ýa-da *Buzy ruhanynyň ogly Ezekiýele.*

sesi eşitdim: joşup akýan suwlaryň şag-
gyldysy, Gudratygüýçliniň sesi we uly
goşunyň gürpüldisi ýalydy. Olar duranla-
rynda, ganatlaryny aşak goýberýärdiler.
[25]Ganatlaryny aşak goýberenlerinde,
kelleleriniň üstündäki gümmezden bir
ses gelýärdi. [26]Gümmeziň depesinde ýa-
kut görnüşli tagtyň keşbi bardy; tagtyň
keşbiniň üstünde ynsan görnüşinde bir
keşp bardy. [27]Men keşbiň bilinden ýokar-
daky görnüşini gördüm, ol içi tutuşlaýyn
ot görnüşli ýaldyraýan ýakut kimindi,
keşbiň bilinden aşakdaky görnüşini-de
gördüm, ol ot deýin parlap, töwerek-daşa
şöhle saçyp durdy. [28]Daş-töwerekdäki
şöhläniň görnüşi ýagyşly gün bulutda
peýda bolan älemgoşar kimindi. Bu
Rebbiň şöhratynyň görnüşiniň keşbidi.

Men muny gören badyma ýüzin ýy-
kyldym we kimdir biriniň gepleýän
sesini eşitdim.

## 2-nji bap

### *Reb Ezekiýel pygamberi çagyrýar*

[1]Gepleýän ses maňa: «Eý, ynsan ogly,
aýak üstüne gal, seniň bilen gepleşjek»
diýdi. [2]Ol geplände, Ruh içime girip,
meni aýak üstüne galdyrdy. Men Onuň
özüme ýüzlenip gepleýänini eşitdim.
[3]Ol maňa şeýle diýdi: «Eý, ynsan ogly,
Men seni garşyma baş göteren pitneçi
millet bolan ysraýyl halkynyň arasyna
iberýärin. Şu güne çenli olar we olaryň
ata-babalary Maňa garşy bolup geldiler.
[4]Bu halk dikdüşdi we tekepbirdir. Men
seni olaryň ýanyna iberýärin. Sen ola-
ra: „Hökmürowan Reb şeýle diýýär“
diý. [5]Bu pitneçi halk seni islese diňle-
sin, islemese diňlemesin, ýöne olar öz
aralarynda bir pygamberiň bardygyny
bilsinler. [6]Eý, ynsan ogly, sen olardan
we olaryň sözlerinden gorkma. Daşyňy
çalydyr tikenekler gurşasa-da, içýanlar
arasynda ýaşasaň-da gorkma. Olaryň
sözlerinden gorkma, ýüzlerinden heder
etme, olar pitneçi halkdyr. [7]Olar seni
isle diňlesinler, isle diňlemesinler, olara
sözlerimi aýt, çünki olar pitneçi halkdyr.
[8]Ýöne sen, eý, ynsan ogly, özüňe aýd-
ýanlarymy diňle. Bu pitneçi halk ýaly
dikdüşdi bolma, agzyňy aç-da, saňa
berjek zadymy iý». [9]Onsoň men özüme
tarap uzalýan bir el gördüm; ol elde bir
düýrlenen kagyz bardy. [10]Ony meniň
öňümde açyp goýdy, onuň iki tarapy
hem ýazylgydy, onda agylar, iňňildiler
we nalyş sözleri ýazylgydy.

## 3-nji bap

[1]Ol maňa: «Eý, ynsan ogly! Özüňe
berleni iý, şu kagyzy iýeniňden soň
bolsa git-de, ysraýyl halky bilen gepleş»
diýdi. [2]Onsoň men agzymy açdym we
Ol bu kagyzy maňa iýmäge berdi. [3]Ol
maňa: «Eý, ynsan ogly! Garnyňy doýur,
bu kagyzdan içiňi doldur; muny saňa
berýärin» diýdi. Onsoň men ony iýdim,
ol agzymda bal ýaly süýjüdi. [4]Ol maňa
şeýle diýdi: «Eý, ynsan ogly! Bar, git-de,
ysraýyl halkyna Meniň sözlerimi aýt.
[5]Men seni düşnüksiz gepleýän we dili
kyn millete däl-de, ysraýyl halkynyň
arasyna iberýärin. [6]Hawa, seni düş-
nüksiz gepleýän, dili kyn we sözlerine
düşünip bolmaýan beýleki köp milletle-
riň arasyna iberemok. Olara ibersedim,
olar seni hökman diňlärdiler. [7]Emma
ysraýyl halky seni diňlemek islemez,
olar hatda Meni-de diňlemek isleme-
ýärler; çünki bütin ysraýyl halky keçjal
we doňýürekdir. [8]Seret, Men seni edil
olar ýaly keçjal we doňýürek etdim.
[9]Seniň maňlaýyňy almaz ýaly çakmak-
daşyndan hem gaty etdim. Olar pitneçi
halkdyr, olardan gorkma, ýüzlerinden

heder etme». 10 Ol maňa ýene-de şula-
ry diýdi: «Eý, ynsan ogly! Meniň saňa
aýdýan ähli sözlerime gowuja gulak goý
we ýüregiňe ornaşdyr. 11 Onsoň sürgün
edilen ildeşleriň ýanyna git-de, olara aýt.
Isle diňlesinler, isle diňlemesinler, olara:
„Hökmürowan Reb şeýle diýýär“ diý».
12 Ruh meni ýokary galdyrdy, men
ýeňsämden: «Rebbiň şöhratyna Öz
mekanynda alkyş bolsun!» diýen uly
gopgunly sesi eşitdim. 13 Bu jandarlaryň
biri-birlerine degýän ganatlarynyň we
olaryň gapdallaryndaky tigirleriň uly
gopgunly sesidi. 14 Ruh meni ýokary
göterip, bu ýerden alyp gitdi. Rebbiň eli
meniň üstümde berk durdy we janym
gahardan dolup, men gaýgy-hasratda
gitdim. 15 Onsoň men Kebar kanalynyň
ýakasyndaky Telabypda ýaşaýan sürgün-
däkileriň ýanyna bardym. Men olaryň
ýaşaýan ýerinde, olaryň arasynda ýedi
günläp aňk-taňk bolup oturdym.

### *Reb Ezekiýel pygamberi gözegçi edip belleýär*

16 Ýedi gün geçenden soň, maňa Reb-
biň şu sözi aýan boldy: 17 «Eý, ynsan
ogly! Men seni ysraýyl halkyna gözegçi
belledim. Meniň her bir aýdýan sözü-
mi diňle-de, Menden olara duýduryş
ber. 18 Men erbet adama: „Sen hökman
ölersiň“ diýsem, sen hem oňa duýduryş
bermeseň ýa-da onuň ömrüni halas et-
mek üçin erbet ýollaryndan el çekmek
barada onuň bilen gepleşmeseň, ol erbet
adam öz günäsi zerarly öler, emma onuň
gany üçin Men seniň bilen haklaşaryn.
19 Emma sen erbede duýduryş berseň,
ol-da erbetlikden el çekmese, ýaramaz
gylyklaryny üýtgetmese, ol öz günäsi
zerarly öler, emma sen öz janyňy halas
edersiň. 20 Eger dogruçyl adam dogru-
çyllygyndan dönüp, erbetlige ýüz ursa,
Men ony agyr güne salaryn, ol hem öler.
Sen ol adama duýduryş bermeseň, ol öz
günäsi zerarly öler we onuň eden dogry
işleri ýatlanmaz. Men onuň ganyny bol-
sa senden talap ederin. 21 Ýöne dogruçyl
adam günä etmez ýaly, oňa duýduryş
berseň, ol-da günä etmese, elbetde, ol
diri galar, sebäbi oňa duýduryş berildi;
sen hem öz janyňy halas edersiň».
22 Ol ýerde Rebbiň eli meniň üstümde-
di. Ol maňa: «Tur, düzlüge git, ol ýerde
Men seniň bilen gepleşjek» diýdi. 23 Şeý-
lelikde, men turup, düzlüge gitdim. Ol
ýerde Rebbiň şöhraty Kebar kanalynyň
ýakasynda gören şöhratym ýalydy, men
ýüzin ýykyldym. 24 Ruh içime girip, meni
aýak üstüne galdyrdy. Ol meniň bilen
gepleşip, şeýle diýdi: «Git-de, öýüň-
de gapyny içinden gulpla. 25 Ýöne sen,
eý, ynsan ogly, boýnuňa tanap atylyp
baglanarsyň. Şeýdip, sen halkyň ara-
syna gidip bilmersiň. 26 Olaryň pitneçi
halkdygy üçin Men diliňi damagyňa
ýapyşdyraryn, sen lal bolarsyň we ola-
ra öwüt berip bilmersiň. 27 Emma Men
seniň bilen gepleşip, diliňi açaryn we
sen olara: „Hökmürowan Reb şeýle
diýýär!“ diýersiň. Goý, diňlän diňlesin,
diňlemedik ýüz öwürsin, çünki olar bir
pitneçi halkdyr».

## 4-nji bap

### *Iýerusalimiň gabawy hakyndaky pygamberlik*

1 «Sen, eý, ynsan ogly! Özüňe bir
kerpiç alyp, öňüňde goý-da, onuň ýü-
züne Iýerusalim şäheriniň suratyny çek.
2 Onuň daşyny gaba, garşysyna berkit-
meler sal, diwaryna çykmak üçin ýapgyt
gur; düşelgeler dik, töwerek-daşynda
diwar ýykýan pürsler ýerleşdir. 3 Onsoň
bir demir jam al-da, demir diwar bolar

ýaly, ony özüň bilen şäheriň arasynda
ýerleşdir; ýüzüňi oňa tarap öwür. Şä-
her gabawda bolar, ony özüň gabarsyň.
Bu ysraýyl halky üçin bir alamat bolar.
[4]Onsoň çep gapdalyňa gyşaryp ýat-da,
ysraýyl halkynyň ýazygyny öz üstüňde
ýerleşdir; çep gapdalyňa gyşaran gün-
leriňiň sanyna görä olaryň ýazyklaryny
çekersiň. [5]Men olaryň ýazyklarynyň her
ýylyny bir gün hasabyna öwrüp, seniň
üstüňe ýükledim. Bu üç ýüz togsan
gündür. Şeýlelikde, ysraýyl halkynyň
ýazygyny sen çekersiň. [6]Bulary guta-
ranyňdan soň, ikinji gezek gyşar, ýöne
bu gezek sag gapdalyňa gyşar. Şeýdip,
ýahuda halkynyň ýazygyny çekersiň.
Men muny her ýyly bir gün hasabyna
öwrüp, jemi kyrk güni seniň üstüňe
ýükledim. [7]Ýüzüňi Iýerusalimiň gaba-
wyna tarap öwür-de, gollaryňy çermäp,
onuň garşysyna pygamberlik et. [8]Ine,
Men seni tanap bilen baglaryn, sen
gabaw günleriňi tamamlaýançaň, bir
gapdalyňdan beýleki gapdalyňa öw-
rülip bilmersiň. [9]Bugdaý, arpa, noýba,
merjimek, dary we çowdary alyp, bir
gaba guý-da, olardan özüňe çörek bişir;
gapdalyňa gyşarjak günleriň sanyna
görä üç ýüz togsan günläp ondan iý.
[10]Her günki iýjek iýmitiňiň agramy
ýarym gadak[a] bolar; sen muny belle-
nen wagtda iýersiň. [11]Suwy hem ölçeg
bilen içersiň. Ol ýarty küýze[b] bolar;
ony bellenen wagtda içersiň. [12]Arpa
kökeler iýersiň; kökeleri halkyň gözüniň
alnynda adam nejasatyny ýakyp, şo-
nuň üstünde bişirersiň». [13]Reb: «Meniň
aralaryna kowjak milletlerimiň içinde
ysraýyl halky çöreklerini şeýdip, ha-
ram edip iýerler» diýdi. [14]Onsoň men:
«Wah, Hökmürowan Rebbim! Men hiç
haçan özümi haram eden däldirin, men
ýaşlygymdan tä şu wagta çenli hiç wagt
maslyk ýa parçalanan haýwan iýmedim,
agzyma haram et degirmedim» diýdim.
[15]Ol maňa: «Bolýar, sen adam nejasa-
tynyň deregine sygyr tezegini ulanyber,
çöregiňi şonuň üstünde bişirersiň» diýdi.
[16]Soňra Ol sözüni dowam edip, maňa:
«Eý, ynsan ogly! Men Iýerusalimde olary
bir döwüm çörege zar ederin. Olar çö-
reklerini gorky içinde bellenen agramda
iýerler we suwlaryny howp astynda ölçeg
bilen içerler. [17]Onsoň olar çörek bilen
suwa zar bolup, biri-birlerine gorky bilen
seredişerler we öz etmişleriniň astynda
heläk bolarlar» diýdi.

## 5-nji bap

### *Hudaýyň halky pytradylýar*

[1]«Eý, ynsan ogly, özüňe bir kesgir
gylyç al, ony dellek päkisi hökmünde ula-
nyp, saç-sakgalyňy syr. Soň ölçär ýaly bir
terezi al-da, saç-sakgalyňy böleklere böl.
[2]Şäheriň gabaw günleri tamamlananda,
onuň üçden birini şäheriň ortasynda ýak.
Beýleki üçden birini al-da, tutuş şäheriň
töweregine gylyç bilen pytrat. Galan
üçünji bölegini bolsa ýele sowur, Men-de
gylyjymy ýalaňaçlap, olaryň yzyndan
kowalaryn. [3]Sen saç-sakgaldan biraza-
jyk alyp, donuňyň etegine daň. [4]Olardan
ýene-de alyp, oda taşla-da ýak, ondan
bütin ysraýyl halkyna garşy ot çykar».
[5]Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Bu Iýerusalimdir; Men ony milletle-
riň merkezinde goýdum, ýurtlary onuň
töwereginde ýerleşdirdim. [6]Emma Iýeru-
salim töweregindäki ähli milletlerden we

---

[a] **4:10** ***Ýarym gadak*** – ýewreýçe *ýigrimi şekel*. Bu takm. 220 gr deňdir.
[b] **4:11** ***Ýarty küýze*** – ýewreýçe *hiniň altydan bir bölegi*. Bu takm. 0,75 litre deňdir.

ýurtlardan has beter erbetlik edip, Meniň
hökümlerime we parzlaryma garşy baş
galdyrdy, Meniň hökümlerimi ret etdi
we parzlarymy tutmady». 7 Şonuň üçin
hem Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Siz töweregiňizdäki milletlere garanda
has beter pitneçi bolduňyz, parzlarymy
berjaý etmediňiz, hökümlerimi ýerine
ýetirmediňiz, hatda siz tutuş daş-tö-
weregiňizdäki milletleriň hökümlerine
görä-de hereket etmediňiz». 8 Munuň
üçin Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ine, Men, hut Meniň Özüm size garşy
çykaryn, milletleriň gözleriniň alnynda
size höküm çykararyn. 9 Ähli nejis işle-
riňiz üçin Men size öň etmedik, indem
etmejek zatlarymy ederin. 10 Munuň üçin
siziň araňyzda ata-eneler çagalaryny,
çagalar bolsa ata-enelerini iýerler. Men
siziň garşyňyza hökümler çykararyn
we sizden diri galanlaryň ählisini ýeliň
çar tarapyna dargadaryn». 11 Munuň
üçin Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Barlygymdan ant içýärin, ähli ýigrenji
zatlaryňyz we nejis işleriňiz bilen mu-
kaddes öýümi murdar edendigiňiz üçin,
Men-de sizi gylyç bilen gyryp taşlaryn;
gözüm gaýgyrmaz we haýpym gelmez.
12 Siziň üçden bir bölegiňiz mergiden,
ýene üçden bir bölegiňiz daş-töwere-
giňizdäki gylyçdan öler; beýleki üçden
bir bölegiňizi bolsa ýeliň çar tarapyna
sowrup, gylyjymy ýalaňaçlap, yzyňyz-
dan kowalaryn.

13 Gazabymy olaryň üstüne döküp, ga-
harym ýatyşandan soň, Men köşeşerin.
Olara gahar-gazabymy dökenimde, olar
Men-Rebbiň gabanjaňlyk bilen gep-
ländigimi bilerler. 14 Töweregiňizdäki
milletleriň arasynda we ähli ötegçileriň
gözleriniň alnynda, sizi weýrançyly-
ga we masgaraçylyga sezewar ederin.
15 Gahar-gazap we agyr jezalar bilen
size hökümler çykaranymda, siz töwe-
regiňizdäki milletlere masgara, sögünç,
duýduryş hem gorky bolarsyňyz. Mu-
ny Men-Reb aýtdym. 16 Açlygyň ölüm
oklaryny ýollanymda, olar sizi weýran
etsinler diýip ýollaryn. Üstüňizdäki
açlygy has-da artdyraryn, bir döwüm
çörege zar ederin. 17 Üstüňize açlyk we
ýyrtyjy haýwanlary ýollaryn; olar sizi
perzentsiz goýarlar; mergi we uruş sizi
ýok edip taşlar, başyňyzdan gylyç sala-
ryn. Muny Men-Reb aýtdym».

## 6-njy bap

### *Ysraýylyň butparazlygy paş edilýär*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Eý, ynsan ogly! Ýüzüňi Ysraýyl dag-
laryna tarap öwür-de, olara pygamberlik
et. 3 Eý, Ysraýyl daglary, Hökmürowan
Rebbiň sözüni diňläň! Hökmürowan Reb
daglara we depelere, jülgelere we dere-
lere şeýle diýýändir diý: „Ine, hut Men,
Meniň Özüm üstüňize gylyç getirerin,
seždegähleriňizi ýok ederin. 4 Gurbanlyk
sypalaryňyz weýran bolar, ýakymly ysly
tütetgi ýakýan sypalaryňyz kül-peýekun
ediler; gylyçdan geçirilenleriňizi butla-
ryňyzyň öňüne taşlaryn. 5 Men ysraýyl
halkynyň jesetlerini öz butlarynyň öňün-
de goýaryn, süňkleriňizi bolsa gurbanlyk
sypalaryňyzyň töweregine pytradaryn.
6 Nirede ýaşasaňyz hem galalaryňyz
weýran bolar, seždegähleriňiz haraba dö-
ner. Şonuň üçin gurbanlyk sypalaryňyz
döwlüp ýykylsyn, butlaryňyz parçala-
nyp, ýer bilen ýegsan bolsun, ýakymly
ysly tütetgi ýakýan sypalaryňyz ýok
edilsin we el işleriňizden hiç zat galma-
syn. 7 Adamlaryňyz ähli ýerde öldüriler,
şonda siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz.

8 Emma Men birnäçäňizi aman gal-
dyraryn. Käbiriňiz milletleriň arasynda

gylyçdan gaçyp gutularsyňyz we başga
ýurtlara dargadylarsyňyz. 9Gaçyp gutu-
lanlaryňyz ýesirlige äkidilen ýerlerindäki
milletleriň arasynda Meni ýatlarlar. Men
olaryň Özümden ýüz öwren zynahor
ýüreklerinden, butlarynyň yzyna eýe-
ren zynahor gözlerinden ýaňa ajy hasrat
çekdim. Olar ähli nejis işlerinde eden pis-
liklerinden ýaňa öz-özlerini ýigrenerler.
10Onsoň olar Meniň Rebdigimi bilerler,
Men olara bu ýamanlygy etjekdigimi
ýöne ýere aýtmadym“». 11Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Eliňizi maňlaýyňyza,
aýaklaryňyzy ýere uruň we şeýle diýiň:
„Ysraýyl halkynyň eden ähli pis, nejis
işleri üçin waý-u-dat! Olar gylyçdan,
açlykdan we mergiden heläk bolarlar.
12Uzakdakylar mergiden ölerler; ýa-
kyndakylar gylyçdan heläk bolarlar we
galyp-gaçyp aman galanlar bolsa açlyk-
dan ölerler. Men olara bolan gazabymy
şeýle tamamlaryn. 13Her bir beýik baýryň
depesindäki, ähli daglaryň başyndaky,
her bir gür ýaprakly agajyň astyndaky we
belent dub agajynyň astyndaky gurban-
lyk sypalarynyň we butlarynyň arasynda,
tütetgi hödür edilýän ähli ýerlerinde ola-
ryň gylyçdan geçirilenleri serlip ýatanda,
siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz. 14Men
olara garşy elimi uzadyp, olaryň çöllük-
den tä Dibla çenli bolan ilatly ýerlerini
harabaçylyga we weýrançylyga öwrerin.
Onsoň olar Meniň Rebdigimi bilerler“».

## 7-nji bap

### *Ysraýyl halkynyň soňky günleri*

1Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2«Eý, ynsan ogly! Hökmürowan Reb
Ysraýyl ýurduna şeýle diýýär:
„Soňy geldi!
Ýurduň dört künjeginiň soňy
geldi!
3 Ine, siziň soňuňyz geldi!
Men siziň üstüňizden gazabymy
indererin.
Öz tutan ýollaryňyza laýyklykda
üstüňizden höküm çykararyn,
ähli nejis işleriňizi öz başyňyza
getirerin.
4 Araňyzda nejis işler edýändigiňiz
üçin,
Men sizi öz ýollaryňyza görä
jezalandyraryn.
Gözüm gaýgyrmaz, haýpym
gelmez.
Onsoň siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz“».
5Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Betbagtlyk! Ine, öň görlüp-
eşidilmedik betbagtlyk gelýär!
6 Soňuňyz geldi; hawa, soňuňyz
geldi!
Ol siziň garşyňyza oýandy; ine,
gelýär!
7 Nobat size ýetdi, eý, ýurduň ilaty!
Wagt geldi, ol gün ýakynlaşdy.
Daglarda şowhunly baýramçylyk
deregine howsala güni geldi.
8 Indi Men gazabymy basym
üstüňize dökerin,
size bolan gaharymy
tamamlaryn.
Öz tutan ýollaryňyza laýyklykda
höküm çykararyn,
ähli nejis işleriňizi öz başyňyza
getirerin.
9 Araňyzda nejis işler edýändigiňiz
üçin,
öz tutan ýollaryňyza görä
jezalandyraryn.
Gözüm gaýgyrmaz, haýpym
gelmez.
Şonda özüňizi jezalandyranyň Men-
Rebdigimi bilersiňiz.
10 Ine, ol gün! Ine, ol gün ýetip
gelýär!

Nobatyňyz ýetdi, taýak
gunçalady,
tekepbirlik gülledi.
11 Zulum güýjäp, heläkçilik
taýagyna öwrüldi.
Olardan hiç zat galmaz,
olaryň bolçulygyndan,
baýlygyndan zat galmaz,
aralarynda şan-şöhratlylyk
bolmaz.
12 Wagt geldi, ol gün golaýlaşdy;
müşderi şatlanmasyn, satyjy
ýas tutmasyn,
çünki gazap ähli jemagatyň
üstünden inýär.
13 Bu aýanlyk onuň ähli jemagatyna de-
gişlidigi üçin satyjy dirikä, satan ýerini
yzyna almaz. Ýazykly her bir adamyň
ýaşaýşy berk bolmaz.
14 Surnaý çalyndy, ähli zat taýýar;
ýöne hiç kim söweşe gitmeýär,
çünki gazabym ähli jemagatyň
üstündedir.
15 Daşarda gylyç, içerde mergi we
açlyk bar;
şäheriň daşyndakylar gylyçdan
ölerler;
içindäkiler açlykdan we
mergiden heläk bolarlar.
16 Aman galanlaryň ählisi gaçyp,
öz etmişleri zerarly
dere gögerçinleri kimin
daglarda ahy-nala çekerler.
17 Hiç kimiň golunda kuwwat galmaz,
ähli kişiniň dyzlary titrär.
18 Olar jul geýerler,
olary howsala gaplar.
Hemmäniň ýüzi utançly bolar,
ähli başlaryň saçy syrylar.
19 Kümüşleri köçelere taşlanar,
altynlary murdar hasaplanar.
Altyn-kümüş olara günä etdirýän büdre-
me daşyna öwrüldi. Şonuň üçin Rebbiň
gazap gününde olary altyn-kümüşleri
halas etmez, açlykdan gutarmaz ýa-da
garynlaryny doýurmaz. 20 Olar Meniň
öýümiň şaý-sepleriniň gözelligi bilen
özlerini gopbamsy tutdular we olardan
nejis butlary we ýigrenji zatlary ýasady-
lar. Şonuň üçin hem Men bu şaý-sepleri
olar üçin murdar zada öwürdim.
21 Men ony olja hökmünde
gelmişekleriň eline,
talaň hökmünde dünýädäki
ýaramazlaryň eline bererin,
ony murdar ederler.
22 Olardan ýüz öwrenimde,
olar Meniň hazynamy harlarlar,
talaňçylar girip, ony harlarlar.
23 Zynjyrlar ýasa!
Ýurt ganly jenaýatdan,
şäher zorlukdan doly.
24 Ysraýyllaryň öýlerini eýelär ýaly,
Men milletleriň iň ýamanyny
getirerin.
Men güýçlüleriň tekepbirligini
soňuna çykaryn,
olaryň mukaddes ýerleri murdar
bolar.
25 Gorky gaplanda,
olar parahatçylyk agtararlar,
ýöne tapmazlar.
26 Betbagtlyk üstüne betbagtlyk
geler,
erbet habar üstüne erbet habar
çykar.
Pygamberden boş ýere aýanlyk
tama ederler;
ruhany kanun öwretmez,
ýaşuly öwüt bermez.
27 Patyşa ýas tutar,
hökümdary aljyraňňylyk gaplar,
ýurduň halkynyň gorkudan elleri
titrär.
Men olaryň tutan ýollaryna
görä hasaplaşaryn,

öz hökümlerine laýyklykda
hököm çykararyn.
Onsoň olar Meniň Rebdigimi bilerler».

## 8-nji bap

### *Rebbiň öýündäki nejis zatlar*

1 Sürgünde bolýan wagtymyzyň al-
tynjy ýylynyň altynjy aýynyň bäşine
öýümde Ýahuda ýaşululary bilen otyr-
kam, Hökmürowan Reb elini meniň
üstüme goýdy. 2 Men seredenimde, oduň
görnüşinde bir adamyň şekilini gördüm.
Onuň bilinden aşagy oda meňzeýärdi,
bilinden ýokarsy bolsa ýakut ýaly şöhle
saçýardy. 3 Ol ele meňzeş bir zat uzadyp,
meniň saçymdan tutdy. Ruh meni ýer
bilen gögüň arasyna galdyrdy we Hu-
daýdan gelen görnüşde Iýerusalime, içki
howlynyň demirgazyk derwezesiniň
girelgesine getirdi. Ol ýerde Hudaýda ga-
banjaňlyk döredýän nejis but gurulgydy.
4 Ysraýyl Hudaýynyň şöhraty şol ýerdedi.
Ol meniň düzlükde gören görnüşim ýa-
lydy. 5 Onsoň Hudaý maňa: «Eý, ynsan
ogly! Demirgazyk tarapdaky ýola seret»
diýdi. Görsem, gurbanlyk sypasynyň
demirgazyk derwezesiniň girelgesinde
ýaňky nejis but bar eken. 6 Ol maňa ýene:
«Eý, ynsan ogly! Olaryň näme edýänini
görýärsiňmi? Meni mukaddes öýümden
daşlaşdyrjak bolup, ysraýyl halky bu
ýerde nejis işler edýär. Indi mundan-da
beter nejisligi görersiň» diýdi.

7 Ol meni howlynyň girelgesine getir-
di. Görsem, diwarda bir deşik bar eken.
8 Soňra Ol maňa: «Eý, ynsan ogly, gel,
diwary oý» diýdi. Men diwary oýdum;
ol ýerde bir girelge peýda boldy. 9 Maňa:
«Içeri gir-de, olaryň bu ýerde edýän has
nejis işlerini gör» diýdi. 10 Men içerik
girip seretdim, diwaryň töwerek-da-
şyna her hili süýrenijileriň, ýigrenji
haýwanlaryň we ysraýyl halkynyň ähli
butlarynyň suratlary çekilendi. 11 Olaryň
öňünde bolsa ysraýyl halkynyň ýaşu-
lularyndan ýetmiş kişi durdy. Olaryň
ortasynda Şapanyň ogly Ýazanýa durdy.
Her haýsynyň elinde ýakymly ysly tütet-
gi gaby bardy. Tütetginiň ysy bulut kimin
ýokary göterilýärdi. 12 Onsoň Ol maňa:
«Eý, ynsan ogly! Ysraýyl ýaşulularynyň
her biriniň garaňkyda butlardan doly
otaglarynda näme edýänini gördüňmi?
Olar Reb bizi görmeýär, Reb ýurdy terk
etdi diýýärler» diýdi. 13 Maňa ýene-de:
«Beýläňe öwrül, olaryň mundan beter
nejisligini görersiň» diýdi. 14 Onsoň meni
Rebbiň öýüniň demirgazyk tarapyndaky
derwezesiniň girelgesine getirdi. Ine, ol
ýerde Tammuz hudaýy üçin ýas tutýan
aýallar otyrdylar. 15 Ol maňa: «Eý, ynsan
ogly, gördüňmi? Ýene öwrül, mundan
hem beter nejisligi görersiň» diýdi.

16 Onsoň meni Rebbiň öýüniň içki
howlusyna getirdi. Ine, Rebbiň ybadat-
hanasynyň girelgesinde eýwan bilen
gurbanlyk sypasynyň aralygynda ýigri-
mi bäşe golaý adam bardy. Olaryň arka
tarapynda Rebbiň ybadathanasy, özleri
bolsa gündogara tarap bakyp durdular.
Olar gündogara tarap bakyp, Güne sežde
edýärdiler. 17 Ol maňa şeýle diýdi: «Eý,
ynsan ogly, gördüňmi? Ýahuda halkyna
bu ýerde nejis işleri etmek azlyk edýär-
mikä? Olar ýurdy zorlukdan doldurdylar,
ýene-de Meniň gaharymy getirýärler;
seret, burunlaryna çybyk tutýarlar [a].
18 Munuň üçin Men-de gahar-gazap bilen
hereket ederin, gözüm gaýgyrmaz, haý-
pym gelmez. Gaty ses bilen gulagyma
gygyrsalar-da, olary diňlemerin».

---

[a] **8:17** ***Burunlaryna çybyk tutýarlar*** – butparazçylyk dessurlarynyň biri bolmagy mümkin.

## 9-njy bap

### *Iýerusalim jezalandyrylýar*

1 Soňra Ol meniň gulagyma gaty ses
bilen: «Şäheri jezalandyrjak bolýan-
laryň her biri eline gyrýan ýaragyny
alyp, golaýa gelsin» diýip gygyrdy.
2 Ine, demirgazyk tarapdaky ýokarky
derwezäniň ýolundan alty adam geldi.
Her biriniň elinde gyrýan ýaragy bardy,
aralarynda bolsa eginbaşy nepis zygyr
matadan tikilen we bili ýazuw esbaply
bir adam bardy. Olar içeri girip, bürünç
gurbanlyk sypasynyň ýanynda durdular.
3 Ysraýyl Hudaýynyň şöhraty kerupla-
ryň üstünden aýrylyp, Hudaýyň öýüniň
bosagasyna geldi. Reb eginbaşy nepis
zygyr matadan tikilen, bilinde ýazuw
esbaby bolan adamy çagyryp, 4 oňa:
«Iýerusalim şäheriniň içinden geç-de,
onda edilýän nejis işlerden ýaňa ah çe-
kip, aglaýanlaryň maňlaýyna tagma bas»
diýdi. 5 Beýlekilere bolsa maňa eşitdirip:
«Onuň yzy bilen şäheriň içinden ge-
çiň we öldüriň; gözüňiz gaýgyrmasyn,
haýpyňyz gelmesin. 6 Gojalary, ýigitle-
ri, boý gyzlary, çagalar bilen aýallary
öldüriň, emma maňlaýynda bellik bo-
lanlara golaýlaşmaň. Meniň mukaddes
öýümden başlaň» diýdi. Olar-da öýüň
öňündäki ýaşululardan başladylar. 7 Soň-
ra olara: «Baryň, ybadathanany murdar
ediň, howlulary gylyçdan geçirilen-
lerden dolduryň!» diýdi. Şeýdip, olar
gidip, şäherdäkileri öldürmäge başla-
dylar. 8 Olar öldürip ýörkäler, men ýeke
galdym we ýüzin ýykylyp, dady-perýat
etdim: «Wah, Hökmürowan Rebbim!
Gahar-gazabyňy Iýerusalimiň üstünden
döküp, Ysraýylyň aman galan halkynyň
hem baryny gyraýjakmy?» 9 Ol maňa:
«Ysraýyl bilen ýahuda halkynyň ýazygy
juda çökder, ýurt gandan, şäher adalat-
syzlykdan doly. Olar: „Reb ýurdy terk
etdi, Reb görmeýär“ diýýärler. 10 Munuň
üçin Meniň hem gözüm gaýgyrmaz,
haýpym gelmez, eden işlerini öz başla-
ryndan indererin» diýdi. 11 Ine, eginbaşy
nepis zygyr matadan tikilen we bili
ýazuw esbaply adam: «Buýruşyň ýaly
etdim» diýip habar berdi.

## 10-njy bap

### *Rebbiň şöhraty Iýerusalimi terk edýär*

1 Soňra men keruplaryň ýokarsyn-
daky gümmeziň depesinde ýakut ýaly
tagtyň şekilini gördüm. 2 Reb eginbaşy
nepis zygyr matadan tikilen adama:
«Keruplaryň aşagyndaky tigirleriň ara-
syna gir. Keruplaryň aralarynda ýanyp
duran közlerden goşawujyňy doldur-da,
şäheriň üstüne seç» diýdi. Ol adam me-
niň gözümiň alnynda tigirleriň arasyna
girdi. 3 Ýaňky adam girende keruplar
Hudaýyň öýüniň günorta tarapynda
durdular. Bulut içki howlyny doldurdy.
4 Rebbiň şöhraty keruplaryň üstünden
aýrylyp, Hudaýyň öýüniň bosagasy-
na gelip durdy. Hudaýyň öýi bulutdan
doldy; howly bolsa Rebbiň şöhratynyň
ýalkymyndan doludy. 5 Keruplaryň ga-
natlarynyň sesi Gudratygüýçli Hudaýyň
geplänindäki sesi ýaly daşky howluda-
-da eşidildi. 6 Ol eginbaşy nepis zygyr
matadan tikilen adama: «Tigirleriň ara-
syndan, keruplaryň aralygyndan köz al»
diýip tabşyranynda, ýaňky adam girip,
tigirleriň ýanynda durdy. 7 Keruplaryň
biri özleriniň aralaryndaky köze elini
uzadyp, ondan aldy-da, eginbaşy nepis
zygyr matadan tikilen adamyň elleriniň
aýasynda goýdy. Ol-da ony alyp çykdy.
8 Keruplaryň ganatlarynyň aşagyndan

adam eliniň şekili göründi. 9Görsem,
keruplaryň gapdalynda dört tigir bar
eken. Her bir kerubyň gapdalynda bir
tigir bardy, tigirler sary ýakut kimin
ýalpyldaýardy. 10Dördüsiniň-de görnüşi
birdi, edil tigir içinde tigir bar ýalydy.
11Olar ýöränlerinde, dört tarapa hereket
edýärdiler; saga-sola öwrülmeýärdiler,
bir kelle haýsy tarapa öwrülse, beýleki-
ler hem hiç ýana gyşarman, şol tarapa
ýöreýärdiler. 12Bütin göwreleri, arkalary,
elleri, ganatlary we tigirleri dördüsi-
niň-de tigirleri tutuşlygyna gözlerden
doludy. 13Tigirler bolsa, meniň eşidişim
ýaly, «Aýlanýan tigirler» diýlip atlandy-
ryldy. 14Olaryň her haýsynyň dört ýüzi
bardy. Birinji ýüz kerup ýüzüne, ikinji
ýüz ynsan, üçünji ýüz arslan, dördünji
ýüz bolsa bürgüt ýüzüne meňzeýärdi.

15Keruplar ýerinden galdylar. Bular
meniň Kebar kanalynyň ýakasynda
gören jandarlarymdy. 16Keruplar ýörän-
lerinde, tigirler-de olaryň gapdalyndan
ýöreýärdiler. Ýerden galmak üçin ke-
ruplar ganatlaryny galdyranlarynda,
tigirler-de olaryň gapdalyndan aýryl-
maýardylar. 17Jandarlar duranlarynda,
tigirler-de durýardylar. Jandarlaryň
ruhy tigirlerdedigi üçin, jandarlar ýo-
kary galanlarynda, bular-da galýardylar.
18Rebbiň şöhraty Hudaýyň öýüniň bosa-
gasyndan aýrylyp, keruplaryň üstünde
durdy. 19Keruplar ganatlaryny galdyryp,
meniň gözümiň alnynda ýokary gal-
dylar. Olar çykanlarynda, tigirler-de
olar bilen bile çykyp, Rebbiň öýüniň
gündogar derwezesiniň girelgesinde
durdular. Ysraýyl Hudaýynyň şöhraty
bolsa olaryň depesindedi.

20Bular meniň Kebar kanalynyň ýa-
kasynda, Ysraýyl Hudaýynyň aýagynyň
astynda gören jandarlarymdy. Men ola-
ryň keruplardygyna göz ýetirdim. 21Her
haýsynyň dört ýüzi, dört ganaty bolup,
ganatlarynyň aşagynda ynsan eline meň-
zeş bir zat bardy. 22Olaryň ýüz keşpleri
edil meniň Kebar kanalynyň ýakasynda
gören ýüzlerim ýalydy, her biri gös-göni
öňe ýöreýärdi.

## 11-nji bap

### *Ysraýyl ýolbaşçylary jezalandyrylýar*

1Ruh meni ýokary galdyryp, Rebbiň
öýüniň gündogar tarapdaky derwezesine
getirdi. Derwezäniň girelgesinde ýigrimi
bäş adam bardy. Men olaryň arasynda
halkyň ýolbaşçylaryndan Azuryň ogly
Ýazanýa bilen Benaýanyň ogly Pelatýany
gördüm. 2Reb maňa: «Eý, ynsan ogly!
Päliýamanlar, şäherde erbet öwütler
berýänler şu adamlardyr. 3Bular: „Öý-
leri gurmagyň wagty basym gelmezmi?
Bu şäher bir gazandyr, biz bolsa onuň
içinde abat saklanýan etdiris“ diýýär-
ler. 4Munuň üçin sen olaryň garşysyna
pygamberlik et. Hawa, pygamberlik et,
eý, ynsan ogly!» diýdi.

5Onsoň Rebbiň Ruhy üstüme inip,
maňa şulary aýtmagymy buýurdy:
«Reb şeýle diýýär: „Eý, ysraýyl hal-
ky, Men siziň agzyňyzdan çykýan her
bir sözi, kelläňizdäki pikiri bilýärin.
6Bu şäherde siz köp adamy öldürdiňiz,
onuň köçelerini gylyçdan geçirilenler-
den doldurdyňyz“». 7Şonuň üçin hem
Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Siziň
gylyçdan geçirip taşlanlaryňyz et, bu
şäher bolsa gazandyr, emma siz onuň
içinden çykarylarsyňyz. 8Siz gylyçdan
gorkýarsyňyz, emma Men üstüňizden
gylyjy salaryn. Muny Hökmürowan
Reb diýýär. 9Sizi onuň içinden çykaryp,
gelmişekleriň eline bererin, garşyňyza
hökümler çykararyn. 10Siz gylyçdan he-
läk bolarsyňyz, size Ysraýyl serhedinde

hököm ederin, onsoň Meniň Rebdigimi
bilersiňiz. 11 Bu şäher siziň üçin gazan
bolmaz, sizem onda et bolmarsyňyz.
Men Ysraýyl serhedinde size hököm
çykararyn. 12 Onsoň siz Meniň Rebdi-
gimi bilersiňiz. Siz Meniň parzlarymy
berjaý etmediňiz, hökümlerimi ýerine
ýetirmediňiz, gaýtam töweregiňizdäki
milletleriň hökümlerine görä hereket
etdiňiz». 13 Onsoň şeýle boldy: men py-
gamberlik edip ýörkäm, Benaýanyň ogly
Pelatýa öldi. Men ýüzin ýykyldym, gaty
ses bilen: «Wah, Hökmürowan Rebbim!
Sen Ysraýylyň aman galan adamlary-
nyň hem soňuna çykaýjakmy?» diýip
perýat etdim.

### *Reb Ysraýyly dikelder*

14 Onsoň maňa Rebbiň şu sözi aýan
boldy: 15 «Eý, ynsan ogly! Iýerusalimiň
ilaty seniň sürgündäki doganlaryň, hos-
sarlaryň we bütin ysraýyl halky hakynda:
„Olar Rebden daşlaşdylar, bu ýurt mülk
hökmünde bize berildi“ diýdiler. 16 Şo-
nuň üçin hem Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: „Olary uzakdaky milletleriň
arasyna iberdim, ýurtlara dargatdym.
Şonda-da giden ýurtlarynda gysga
möhlet üçin olara mukaddes öý bolan
Mendirin“». 17 Şonuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär diý: «Men sizi halk-
laryň arasyndan ýygnaryn, dargadylan
ýurtlaryňyzdan bir ýere jemlärin we
Ysraýyl topragyny size bererin. 18 Ýurda
dolanyp, ähli ýigrenji we nejis zatlary-
ny ol ýerden aýryp zyňarlar. 19 Olaryň
ýüregini bir ederin, täze ruh bererin.
Içlerindäki daş ýüregi aýryp, olara et-
den bolan ýürek bererin. 20 Şonda olar
parzlarymy berjaý edip, hökümlerimi
saklap, olary doly berjaý ederler. Şeýle
hem olar-a Meniň halkym, Menem ola-
ryň Hudaýy bolaryn. 21 Emma ýürekleri
ýigrenji we nejis zatlaryň yzyna eýe-
ren adamlary jezalandyraryn, olaryň
eden işlerini öz başlaryndan indererin».
Muny Hökmürowan Reb diýýär. 22 On-
soň keruplar ganatlaryny galdyrdylar,
tigirler-de olaryň gapdalyndady. Ysra-
ýyl Hudaýynyň şöhraty bolsa olaryň
üstündedi. 23 Rebbiň şöhraty şäherden
çykyp, şäheriň gündogaryndaky dagyň
üstünde durdy. 24 Görnüşde Hudaýyň
Ruhy meni ýokary galdyryp, babylly-
laryň ýurdundaky sürgün edilenleriň
ýanyna getirdi. Onsoň gören görnüşim
gözümden gaýyp boldy. 25 Men Rebbiň
özüme görkezen ähli zatlaryny sürgün
edilenlere gürrüň berdim.

## 12-nji bap

### *Ýahuda sürgün edilýär*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Eý, ynsan ogly! Sen pitneçi halkyň
arasynda ýaşaýarsyň, olaryň görmäge
gözleri bar, ýöne görmeýärler, eşitmäge
gulaklary bar, ýöne eşitmeýärler, çünki
olar bir pitneçi halkdyr. 3 Şonuň üçin,
eý, ynsan ogly, sen ýesir edip äkidilýän
adam ýaly, öz goşuňy taýýarla-da, gündi-
ziň güni olaryň gözleriniň alnynda ýola
düş. Sen ýesir edip äkidilen ýaly, olaryň
gözleriniň alnynda öz ýeriňden başga bir
ýere göç. Olar pitneçi halk bolsalar-da,
belki, muňa düşünerler. 4 Gündiz olaryň
gözleriniň alnynda sürgün edilýäniň
goşy kimin goşuňy çykar we sürgün
edilýän kişi kimin olaryň gözleriniň
alnynda agşam ýola düş. 5 Olaryň göz-
leriniň alnynda diwary oý-da, goşuňy
ondan çykar. 6 Olaryň gözleriniň alnynda
goşuňy gerşiňde göter-de, garaňkyda
çyk, bu ýurdy görmez ýaly ýüzüňi büre,
çünki Men seni ysraýyl halky üçin bir
alamat etdim».

7Men hem özüme buýrulyşy ýaly et-
dim. Goşumy sürgüne gidýäniň goşy
kimin ilki gündiz çykardym. Agşam
diwary elim bilen oýup, goşumy ga-
raňkyda çykardym, olaryň gözleriniň
alnynda ony gerşimde göterdim.
8Säher bilen maňa Rebbiň şu sözi
aýan boldy: 9«Eý, ynsan ogly! Bu pit-
neçi ysraýyl halky senden: „Sen näme
edýärsiň?“ diýip sorady, şeýle dälmi?»
10Olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: «Bu Iýerusalimdäki hökümdara
we onuň içindäki ähli ysraýyl halkyna
degişli pygamberlikdir. 11Olara: „Men
size bir nyşandyryn, men näme eden
bolsam, olar-da şeýle ederler, olar ýesir
düşüp, sürgüne giderler“ diý. 12Arala-
ryndaky hökümdar goşlaryny gerşinde
göterip, garaňkyda daşary çykarar. Ony
çykarmak üçin diwary oýar, bu ýurdy
görmez ýaly ýüzüni bürär. 13Men toru-
my ýazaryn, ol duzagyma düşer. Ony
Babyl ýurduna getirerin, emma ol şol
ýerde Babyly görmän öler. 14Onuň töwe-
regindäkileri, ähli kömekçilerini we ähli
nökerlerini ýeliň çar tarapyna sowrup,
gylyjymy ýalaňaçlap, yzlaryndan kowa-
laryn. 15Olary ýurtlara dargadanymda,
milletler arasyna pytradanymda, Meniň
Rebdigimi bilerler. 16Baran ýerlerindä-
ki milletleriň arasynda öz nejisliklerini
gürrüň berer ýaly, olaryň birazyny gy-
lyçdan, açlykdan we mergiden alyp
galaryn. Onsoň olar Meniň Rebdigimi
bilerler».
17Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
18«Eý, ynsan ogly! Çöregiňi sandyrap iý,
suwuňy gorkudan ýaňa titräp iç. 19Ýur-
duň halkyna, Iýerusalim ilatyna we
ysraýyl halkyna Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: „Olar çöreklerini gorky bilen
iýip, suwlaryny howp astynda içerler, se-
bäbi ol ýerde ýaşaýanlaryň eden zorlugy
zerarly ýurt çolaryp galar. 20Ilatly galalar
weýran bolar, ýurt haraba döner. Onsoň
olar Meniň Rebdigimi bilerler“».
21Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
22«Eý, ynsan ogly! Siziň ysraýyl ýurdun-
da „Günler geçer gider, her bir aýanlyk
puç bolar“ diýýän bu nakylyňyz näme?
23Şonuň üçin hem olara Hökmürowan
Reb şeýle diýýär diý: „Men bu nakyly
ýok ederin, gaýdyp ony Ysraýylda nakyl
edip aýtmazlar“. Ýene-de olara: „Günler
ýakyndyr, ähli aýanlygyň amala aşma-
gynyň günleri ýakyndyr“ diý. 24Mundan
beýläk ysraýyl halkynyň arasynda ýalan
aýanlyk we aldawçy palçylyk bolmaz.
25Muny Reb bolan Men aýdýandyryn
we Meniň aýdan zatlarym amala-da
aşar. Eý, pitneçi halk, indi bu gaýra
goýulmaz, Men sözi aýdaryn we ony
amala aşyraryn». Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr.
26Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
27«Eý, ynsan ogly! Ine, ysraýyl halky:
„Oňa gelen aýanlyk geljekki günler üçin-
dir, ol uzak geljek barada pygamberlik
edýär“ diýýär. 28Munuň üçin olara Hök-
mürowan Rebbiň sözüni ýetir: „Meniň
sözlerimiň hiç biri indi gaýra goýulmaz,
näme aýtsam, şol söz amala aşar“». Mu-
ny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

## 13-nji bap

### *Galp pygamberler jezalandyrylýar*

1Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2«Eý,
ynsan ogly! Pygamberlik edýän Ysraýyl
pygamberlerine garşy pygamberlik et.
Öz-özlerinden pygamberlik edýän ol
pygamberlere Rebbiň sözüni diňlemegi
tabşyr. 3Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Akmak pygamberleriň dat gününe!
Olar hiç bir zat görmän, öz hyýalla-
rynyň yzyna eýerýärler. 4Eý, Ysraýyl,

seniň pygamberleriň harabalykda gezýän
şagallar kimindir. 5Rebbiň gününde ys-
raýyl halkynyň söweşde berk durmagy
üçin, diwaryň opurylan ýerlerini täzeden
bejermediňiz. 6Olar ‘Rebbiň sözi’ diýip,
boş görnüşlere we ýalan pallara uýdular.
Olary Reb ýollamady, emma şonda-da
sözleriniň amala aşmagyna umyt bag-
laýarlar. 7Men aýtmadyk hem bolsam,
‘Rebbiň sözi’ diýeniňizde, boş görnüşler
görüp, ýalandan pal atmadyňyzmy?“.

8Munuň üçin Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Siz ýalan sözlediňiz, boş gör-
nüşler gördüňiz, munuň üçin Men size
garşydyryn. Muny Hökmürowan Reb
diýýär. 9Boş görnüşler görýän, ýalandan
pal atýan pygamberleriň garşysyna el
galdyraryn. Olar Meniň halkymyň mas-
lahatyna gatnaşmazlar, ysraýyl halkynyň
sanawyna ýazylmazlar we Ysraýyl
ýurduna girmezler. Onsoň siz Meniň
Hökmürowan Rebdigimi bilersiňiz.

10Bu pygamberler parahatçylyk ýok
ýere ‘parahatçylyk’ diýip, Meniň halky-
my azdyrýarlar; biri diwar salanda, olar
muňa hek çalýarlar. 11Hek çalýanlara
diwar ýykylar diý; güýçli ýagyş bilen
daşly dolular ýagar; diwary tupanly ýel
ýumrar. 12Diwar ýykylanda, sizden çalan
hekiňiziň nirededigini soramazlarmy?!“.
13Munuň üçin Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Men gazaplanyp, tupanly ýel
bilen diwary ýumraryn, gaharym bilen
güýçli ýagyş we daşly doly ýagdyryp,
diwary ýer bilen ýegsan ederin. 14Hek
çalan diwaryňyzy ýykaryn, ony ýer
bilen ýegsan ederin, onuň düýbi görner.
Diwar ýykylyp, siz içinde heläk bo-
larsyňyz. Onsoň siz Meniň Rebdigimi
bilersiňiz“. 15-16Men diwara we oňa hek
çalanlara gazabymy döküp, size şeýle
diýerin: „Diwar-da, oňa hek çalanlar-da
ýok boldular. Iýerusalimde parahatçylyk
ýok ýere ‘parahatçylyk’ barada aýanlyk
alan Ysraýyl pygamberleri-de ýok boldy“.
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

17Ýöne sen, eý, ynsan ogly, öz-özlerin-
den pygamberlik edýän halkyň gyzlaryna
tarap ýüzüňi öwür-de, olara garşy py-
gamberlik et. 18Olara Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý: „Her bir ynsanyň janyny
awlajak bolup, her kimiň bilegine bilezik
dakýan, dürli boýdaky adamlaryň başyna
bürenjek tikýän aýallaryň dat gününe!
Siz Meniň halkymyň janyny awlamak
bilen öz janyňyzy halas edýändiris öýd-
ýärsiňizmi? 19Bir gysym arpa we bir
döwüm çörek üçin halkymyň arasynda
Maňa ysnat getirdiňiz. Ýalana gulak as-
ýan halkyma ýalan sözlemek bilen ölüme
laýyk däl janlary öldürdiňiz, ölüme laýyk
janlara bolsa ýaşajakdyklaryny yglan
etdiňiz“. 20Munuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Ine, Men siziň yn-
san janyny guş kimin awlaýan jadygöý
bilezikleriňize garşydyryn. Men olary
gollaryňyzdan sypyraryn. Guş kimin
awlaýan janlaryňyzy boşadyp goýbererin.
21Bürenjekleriňizi-de ýyrtyp, halkymy
eliňizden halas ederin, indi olar siziň eli-
ňizde ýesir bolmazlar. Onsoň siz Meniň
Rebdigimi bilersiňiz. 22Meniň ynjatmak
islemedik dogruçyl kişimiň ýüregini
ýalan zatlar bilen ynjatdyňyz we erbet
adam öz erbet ýolundan dönüp, diri gal-
maz ýaly, onuň goluna kuwwat berdiňiz.
23Munuň üçin siz indi ýalan görnüşler
görmersiňiz we palçylyk etmersiňiz. Men
halkymy siziň eliňizden halas ederin.
Onsoň siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz“».

## 14-nji bap

### *Reb butparazlary jezalandyrýar*

1Ysraýyl ýaşulularyndan birnäçesi me-
niň alnyma gelip oturdy. 2Onsoň maňa

Rebbiň şu sözi aýan boldy: 3«Eý, ynsan
ogly! Bu adamlaryň ýüregi butlara bag-
landy. Günä edip, büdreme daşyny öz
öňlerinde goýdular. Heý, şundan soň
hem Men bulara Özüme maslahat sal-
dyrarynmy? 4Şonuň üçin hem olar bilen
gepleş-de, Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Ýüregini butlara baglan, etmişlerini
büdreme daşy hökmünde öz öňünde go-
ýan, soň hem pygamberiň ýanyna baran
her bir ysraýylla, Men-Reb butlarynyň
köplügine laýyklykda Özüm jogap bere-
rin. 5Şeýdip, butlary zerarly Maňa keseki
bolan bütin ysraýyl halkynyň ýüregini
täzeden Özüme tarap öwrerin“». 6Munuň
üçin ysraýyl halkyna Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý: «Toba ediň we butlary-
ňyzdan el çekiň, ähli nejis işleriňizden
ýüz öwrüň. 7Aýdalyň, ysraýyl halkyndan
bolan ýa-da Ysraýylda gelmişek bolup
ýaşaýan biri Meni terk edip, ýüregini
butlara baglap, etmişini büdreme daşy
hökmünde öz öňünde goýupdyr. Onsoň
ol Maňa maslahat salyp, pygamberlere
ýüz tutsa-da, Men-Reb oňa öz etmişle-
rine görä jogap bererin. 8Ol adamdan
ýüzümi öwrüp, ony alamata we tymsala
öwrerin, ony halkymyň içinden sogrup
taşlaryn. Onsoň siz Meniň Rebdigimi
bilersiňiz. 9Eger bir pygamber aldanyp,
bir söz aýtsa, ol pygamberi aldawa sa-
lan Men-Rebdirin. Men oňa garşy elimi
uzadyp, ony halkym Ysraýylyň içinden
sogrup taşlaryn. 10Olar öz etmişleriniň
jezasyny çekerler. Pygamber-de, ondan
maslahat soran-da bir meňzeş jezalan-
dyrylar. 11Şeýdip, ysraýyl halky indi
Menden aýrylmaz, günäleri bilen özle-
rini haram etmezler. Olar Meniň halkym,
Men-de olaryň Hudaýy bolaryn». Muny
Hökmürowan Reb diýýär.

12Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
13«Eý, ynsan ogly! Bir ýurt dönüklik edip,
Maňa garşy günä edende, oňa garşy eli-
mi uzadyp, olary bir döwüm çörege zar
ederin. Üstüne açlyk iberip, ynsanlary
we haýwanlary gyryp taşlaryn. 14Eger
şu üç adam Nuh, Danyýel we Eýýup ol
ýerde bolsalar-da, olar dogruçyllyklary
bilen diňe öz janlaryny halas edip bilerler.
Muny Hökmürowan Reb diýýär. 15Eger
Men ol ýurda ýyrtyjy haýwanlary ýolla-
sam, olar-da ony adamsyz goýsalar, ýurt
haraba dönüp, ýaňky haýwanlardan ýaňa
onuň içinden hiç kim geçmese, 16Öz bar-
lygymdan ant içýärin, Hökmürowan Reb
diýýär, bu üç adam ol ýurtda ýaşasa-da,
olar ne ogullaryny, ne-de gyzlaryny ha-
las ederler. Diňe öz janlaryny halas edip
bilerler. Ýurt bolsa haraba döner. 17Ýa-da
ol ýurduň üstüne gylyç getirip: „Eý, gylyç,
ýurduň içinden geç!“ diýsem, ondaky yn-
sanlary we haýwanlary gyryp taşlasam,
18Öz barlygymdan ant içýärin, Hökmü-
rowan Reb diýýär, bu üç adam ol ýerde
bolsalar-da, ne ogullaryny, ne-de gyz-
laryny halas ederler. Diňe öz janlaryny
halas edip bilerler. 19Ýa-da ol ýurda mergi
ýollap, gan dökmek üçin üstüne gazaby-
my döküp, ynsany we haýwany gyryp
taşlasam, 20Öz barlygymdan ant içýärin,
Hökmürowan Reb diýýär, Nuh, Danyýel
we Eýýup ol ýerde bolsalar-da, ne ogulla-
ryny, ne-de gyzlaryny halas ederler. Olar
dogruçyllyklary bilen diňe öz janlaryny
halas edip bilerler». 21Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Iýerusalimdäki ynsanlary
we haýwanlary ýok etmek üçin üstlerine
dört agyr hökümimi: gylyç, açlyk, ýyr-
tyjy haýwanlar we mergi ýollanymda,
olaryň ýagdaýy has çökder bolar.

22Muňa garamazdan, ol ýerde gaçyp
gutulan ogullaryňyz we gyzlaryňyz
galdyrylyp, ol ýerden çykarylar. Olar
siziň ýanyňyza bararlar, siz olaryň er-
bet ýollaryny we işlerini görüp, Meniň

Iýerusalimiň başyna salan ýamanly-
gymdan, başyndan inderen zatlarymdan
teselli taparsyňyz. 23 Olaryň erbet ýolla-
ryny we işlerini göreniňizde, size teselli
bererler we siz Meniň Iýerusalimde eden
ähli işlerimi biderek ýere etmändigimi bi-
lersiňiz». Muny Hökmürowan Reb diýýär.

## 15-nji bap

### *Peýdasyz agaç*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Üzüm agajyndan, ýagny
jeňňel agaçlarynyň arasyndaky üzüm
şahasyndan näme edilýär? Tokaýyň äh-
li agaçlary bilen deňeşdireniňde, onuň
peýdasy ýokdur. 3 Iş üçin ondan agaç
alynýarmy? Ýa üstünden bir zat asmak
üçin asgyç ýasalýarmy? 4 Ol odun hök-
münde ýakylýar. Ot onuň iki ujuny ýakyp,
ortasyny garaldansoň, ol derde ýararmy?
5 Abatka derde ýaramadyk zat, oda ýanyp
garalansoň derde ýararmy?» 6 Munuň üçin
Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Men to-
kaý agaçlarynyň arasyndan üzüm agajyny
odun hökmünde nädip ýakan bolsam, Iýe-
rusalimiň ilatyny-da şeýdip oda ýakaryn.
7 Men olardan ýüzümi öwrerin. Olar bir
otdan gaçyp gutulsalar-da, beýleki bir ot
barybir olary ýandyrar. Olara garşy çyka-
nymda, siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz.
8 Onsoň olaryň Maňa dönüklik edendigi
üçin ýurdy haraba öwrerin». Muny Hök-
mürowan Reb diýýär.

## 16-njy bap

### *Biwepa Iýerusalim*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Iýerusalime öz nejis işlerini
bildir. 3 Hökmürowan Reb Iýerusalime
şeýle diýýär diý: „Seniň aslyň, doglan
ýeriň Kengan ýurdudyr. Seniň kakaň
amor, ejeň het tiresindendir. 4 Göbegiň
doglan günüň kesilmedi, arassalamak
üçin suw bilen ýuwulmadyň, duz bilen
sürtülmediň we gundalmadyň. 5 Hiç ki-
miň haýpy gelip, saňa bulardan birini
hem etmedi, rehim-şepagat görkezmedi.
Gaýtam, dünýä inen günüň seni ýigrenip,
meýdana taşladylar. 6 Men gapdalyňdan
geçenimde, seniň öz ganyňa bulaşyp
ýatanyňy görüp: ‘Diri gal!’ diýdim[a].
7 Seni meýdan ösümligi kimin ösdür-
dim, sen ösüp, kemala geldiň, aňrybaş
gözellige ýetdiň, göwüsleriň tözlenip,
saçyň uzyn boldy, ýöne sen alaň-açyk
we ýalaňaçdyň. 8 Onsoň ýene gapdalyň-
dan geçip, saňa seretdim. Seniň tüýs
söýgi çagyňdy; etegimi üstüňe ýazyp,
ýalaňaçlygyňy örtdüm. Saňa ant içip,
seniň bilen äht baglaşdym, sen-de Me-
niňki bolduň. Muny Hökmürowan Reb
diýýär. 9 Seni suwa düşürdim, ganyňy
ýuwup arassaladym we zeýtun ýagyny
çaldym. 10 Saňa keşdeli eşikler geýdirdim,
aýagyňa gaýyşdan çaryk, başyňa nepis
matadan ýaglyk daňyp, gymmatbaha
geýimler geýdirdim. 11 Seni şaý-sep-
ler bilen bezedim, bilegiňe bilezikler,
boýnuňa zynjyr dakdym. 12 Burnuňa
ysyrga, gulaklaryňa gulakhalkalar da-
kyp, başyňa gözellik täjini geýdirdim.
13 Sen altyn-kümüş bilen bezeldiň, eşigiň
nepis zygyr mata, gymmatbahaly we
keşdeli matady. Höregiňe oňat un, bal
we ýag iýdiň, owadanlygyňyň çeni-çaky
bolman, şa aýalynyň derejesine ýetdiň.
14 Owadanlygyň sebäpli şöhratyň mil-
letleriň arasyna ýaýrady, saňa bagyşlan

[a] 16:6 ***Seniň öz ganyňa bulaşyp ýatanyňy görüp: «Diri gal!» diýdim*** – käbir golýazma-
larda bu sözler iki gezek gaýtalanýar.

şöwketim sebäpli owadanlygyň kämildi.
Muny Hökmürowan Reb diýýär. 15 Ýöne
sen owadanlygyňa bil bagladyň, şöhra-
tyňdan peýdalanyp, zynagärlik etdiň.
Her geçene köňül berdiň, owadanlygyň
onuňky boldy. 16 Sen nepis geýimleriň-
den özüňe owadan seždegähler salyp,
olaryň üstünde zyna etdiň, beýle zat öň
bolan däldir we indi hem bolmaz. 17 Me-
niň beren altyn-kümüş bezeg şaýlarymy
alyp, erkekleriň heýkellerini ýasandyň
we olar bilen zyna etdiň. 18 Keşdeli
eşikleriňi alyp, olara geýdirdiň. Meniň
zeýtun ýagymy we ýakymly ysly tütetgi-
mi olaryň öňünde goýduň. 19 Saňa beren
çöregimi, iýdiren oňat unumy, zeýtun
ýagyny we baly hoşboý yslar hökmün-
de olaryň öňünde goýduň, hawa, şeýle
etdiň. Muny Hökmürowan Reb diýýär.
20 Meniň üçin dogran ogullaryňy we
gyzlaryňy alyp, iýmit hökmünde butlara
gurban etdiň. Hamala, zynagärligiň az
ýalydy! 21 Çagalarymy öldürdiň, ola-
ry oda ýakyp, butlara gurban berdiň.
22 Ähli nejis işleriňde, zynagärligiňde
ýaşlyk günleriňi, alaň-açyk we ýalaňaç
bolup, ganyňa bulaşan wagtyňy ýatla-
madyň“». 23-24 Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: «Waý halyňa! Seniň halyňa waý!
Ähli pisliklerinden soň, her bir açyk
meýdançada özüňe çadyr we seždegäh
saldyň. 25 Her köçäniň başynda seždegäh
gurup, owadanlygyňy harladyň, her bir
ötegçä özüňi hödürläp, zynagärligiňi
artdyrdyň. 26 Daýaw bedenli goňşularyň
müsürliler bilen zynagärlik etdiň we
Meniň gaharymy getirmek üçin zyna-
gärligiňi artdyrdyň. 27 Şonuň üçin hem,
Men saňa garşy el göterdim, rysgalyňy
kemeltdim we seni özüňi ýigrenýänlere,
seniň zynagärligiňden utanýan piliştli
gyzlaryň erkine berdim. 28 Sen aşurlylar
bilen-de zyna etdiň, sebäbi sen doýmaz-
dolmazdyň, olar bilen-de zyna etdiň,
şonda-da ganmadyň. 29 Zynagärligiňi
söwdagärleriň ýurdy bolan babyllylaryň
ýurduna çenli artdyrdyň; ýöne munuň
bilen-de doýmadyň.

30 Bu işleriň ählisini, utançsyz loly-
nyň işlerini edeniňde, ýüregiň nähili
mejalsyz boldy. Muny Hökmürowan
Reb diýýär. 31 Her köçäniň başynda sen
özüňe çadyr gurduň, her bir açyk meý-
dançada seždegäh saldyň. Sen beýleki
lolular ýaly bolmadyň, sebäbi muzdy
äsgermediň. 32 Sen zynagär, äriniň ýerine
kesekileri kabul edýän aýalsyň! 33 Ähli
lolulara sowgatlar berilýär, sen bolsa
ähli oýnaşlaryňa özüň sowgat berýärsiň,
zynagärligiň üçin her tarapdan gelsinler
diýip para berýärsiň. 34 Zynagärligiňde
beýleki aýallara meňzemeýärsiň, sebäbi
zynagärlik etmek üçin hiç kim seniň
yzyňa düşmeýär. Saňa muzd tölenmän,
özüň olara muzd töleýärsiň, munuň üçin
beýlekilere meňzemeýärsiň». 35 Munuň
üçin, eý, azgyn aýal, Rebbiň sözüni
diňle: 36 «Hökmürowan Reb şeýle diý-
ýär: „Seniň haýasyzlygyň äşgär bolup,
oýnaşlaryň we ähli nejis butlaryň bilen
zyna edýärkäň, ýalaňaçlygyň üsti açyl-
dy. Olara beren ogullaryňyň gany üçin
37 keýpi-sapa eden ähli oýnaşlaryňy, ähli
söýenleriňi bütin ýigrenenleriň bilen
birlikde üýşürerin. Olary tutuşlaýyn
garşyňa üýşürip, olaryň öňünde seni
ýalaňaçlaryn. Şeýdip, seniň tutuş ýa-
laňaçlygyňy görerler. 38 Men saňa zyna
eden we gan döken aýallara degişli hö-
kümler çykararyn. Öçli gahar-gazabym
we gabanjaňlygym bilen seniň ganyňy
akdyraryn. 39 Seni olaryň eline bererin,
olar seniň çadyryňy ýykarlar, seždegäh-
leriňi kül-peýekun ederler, egniňden
eşigiňi sypyrarlar, şaý-sepleriňi alyp,
seni ýalaňaç we alaň-açyk galdyrarlar.

[40]Olar jemagaty seniň garşyňa küşgü-
rerler, seni daşlarlar, gylyçdan geçirerler.
[41]Öýleriňi oda ýakyp, köp aýallaryň göz-
leriniň alnynda saňa höküm çykararlar.
Men zynagärligiňi bes etdirerin, indi
gaýdyp oýnaşlaryňa muzd tölemersiň.
[42]Şeýlelikde, saňa bolan gahar-gazabymy
öçürerin, saňa bolan gabanjaňlygym aý-
rylar, onsoň Men köşeşerin we mundan
soň gaharlanmaryn. [43]Sen ýaşlyk gün-
leriňi ýatlaman, eden ähli hereketleriň
bilen Meni gazaplandyrdyň. Ine, Men-de
eden işleriňi öz başyňdan indererin“.
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

„Näme üçin sen ähli nejis işleriňiň
üstüne bu haýasyzlygyňy-da goşduň?
[44]Ine, hemmeler seniň garşyňa ‘Ene-
sini gör-de, gyzyny al’ diýen nakyly
aýdarlar. [45]Sen öz ärini we ogluny kem-
sidýän enäniň gyzysyň, öz ärlerini we
ogullaryny kemsidýän uýalaryň uýa-
sysyň, siziň ejeňiz hetli, kakaňyz bolsa
amorlydy. [46]Gyzlary bilen birlikde seniň
demirgazyk tarapyňda ýaşaýan uly uýaň
Samariýadyr, gyzlary bilen seniň gün-
orta tarapyňda mesgen tutan kiçi uýaň
Sodomdyr. [47]Sen olaryň ýollaryndan
ýöräp, olaryň nejis işlerini etmediňmi?
Bu hem az ýaly, öz ýollaryňda olardan
hem beter bozuldyň. [48]Öz barlygymdan
ant içýärin Hökmürowan Reb diýýär
uýaň Sodom öz gyzlary bilen seniň
özüňiň we gyzlaryňyň edenini etmedi.
[49]Ine, seniň uýaň Sodomyň etmişi şudy:
onuň özi-de, gyzlary-da tekepbirdiler,
olarda bol nan we doly rahatlyk bardy,
emma olar garyby we mätäji goldamady.
[50]Olar özlerine guwandylar we Meniň
gözümiň alnynda nejis işler etdiler. Şo-
nuň üçin hem muny görenimde, olary
öňümden süpürip taşladym. [51]Samariýa
seniň eden günäleriňiň ýarysyny-da et-
medi, emma nejis işleriňde sen olardan
geçirdiň, eden ähli nejis işleriň bilen
uýalaryňy akladyň. [52]Sen-de utanjyňyň
ýüküni çek. Nejislik bilen eden günäleriň
uýalaryňkydan köpdügi sebäpli olara
ýeňil höküm çykartdyň. Olar senden
has dogry saýyldylar. Munuň üçin utan
we öz utanjyňyň ýüküni çek, çünki sen
uýalaryňy akladyň. [53]Sodomyň, Samari-
ýanyň we olaryň gyzlarynyň, olar bilen
birlikde seniň öňki abadançylygyňyzy
gaýtaryp bererin. [54]Şonda sen öz utan-
jyňy çekersiň, eden ähli işleriňe utanyp,
olara teselli bolarsyň. [55]Seniň uýalaryň
Sodom we Samariýa öz gyzlary bilen
birlikde öňki ýagdaýlaryna dönenlerinde,
sen hem gyzlaryň bilen öňki ýagdaý-
laryňa dönersiň. [56]Tekepbir wagtyňda
uýaň Sodomyň adyny dile almaýardyň.
[57]Indi bolsa seniň pisligiňiň üsti açyldy.
Indi sen Edom [a], pilişt gyzlary we seni
ýigrenýän başga halklar tarapyndan mas-
garalanýarsyň. [58]Sen öz haýasyzlygyň
we nejis işleriňiň jezasyny çekýärsiň“».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Baky äht*

[59]Hawa, Hökmürowan Reb şeýle diý-
ýär: «Sen eden ähtiňi bozup, içen antyňy
harladyň. Men-de seni edil öz edişiň ýaly
ederin. [60]Ýöne ýaşlygyňda seniň bilen
baglaşan ähtimi ýatlap, seniň üçin baky
äht berkarar ederin. [61]Özüňden uly we
kiçi uýalaryňy ýanyňa alanyňda, eden
etmişleriňi ýatlap utanarsyň. Men olary
saňa gyzlyga bererin, emma bu seniň
ähtiň boýunça däldir. [62-63]Men seni ähli
eden erbet işleriňden saplanymda, sen
muny ýatlap utanar ýaly, utanjyňdan
ýaňa agzyňy açmaz ýaly, seniň bilen

[a] **16:57** ***Edom*** – käbir golýazmalarda *Siriýa*.

ähtimi berkarar ederin, şonda sen Meniň Rebdigimi bilersiň». Muny Hökmürowan Reb diýýär.

## 17-nji bap

### *Iki bürgüt we üzüm agajy*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Ysraýyl halkyna bir matal
ber, bir tymsal aýt. 3 Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý:

„Uly ganatly, uzyn ýelekli,
dürli reňkli mymyk tüýlerden
doly,
äpet bürgüt Liwana gonup,
kedr agajynyň depesini eýeledi.
4 Agajyň ýokarky şahasyny ýolup,
söwdagärleriň ýurduna getirdi,
täjirleriň şäherinde ýerleşdirdi.
5 Onsoň ýurduň tohumyndan alyp,
ony hasylly meýdanda ekdi,
bol suwlar ýakasynda ýerleşdirip,
söwüt agajy kimin oturtdy.
6 Ol gögerip, pessejik boýly ýaýraň
üzüm agajyna öwrüldi,
şahalary özüne tarap egildi,
kökleri öz astyndady.
Şeýdip, bu üzüm agajy boldy,
şahalady, pudak çykardy.
7 Uly ganatly we köp ýelekli
başga bir äpet bürgüt bardy.
Ine, ýaňky üzüm agajy
öz ekilen keşinden
oňa tarap köklerini egreltdi.
Suwarsyn diýip,
şahalaryny oňa tarap sallady.
8 Ol şahalap, miwe berip,
oňat üzüm agajy bolar ýaly,
bol suwlar ýakasyndaky
hasylly meýdanda ekilipdi“».

9 Ysraýyla Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý:

«Ol üzüm şahasy boý alyp
ösermi?
Birinji bürgüt täze baldaklary
gurasyn diýip,
köklerini sogurmazmy, miwesini
ýolmazmy?
Kökünden sogurmak üçin
güýçli gol
ýa-da beýik goşun gerek
bolmaz ahyryn.
10 Ol ekilse-de, boý alyp ösermi?
Gündogar şemaly uranda
bütinleý guramazmy?
Öz gögeren keşlerinde
solmazmy?»

11 Onsoň maňa Rebbiň şu sözi aýan
boldy: 12 «Indi pitneçi halka: „Siz bula-
ryň nämedigini bilmeýärsiňizmi?!“ diý.
Olara şeýle diý: „Ine, Babyl patyşasy
Iýerusalime gelip, onuň patyşasyny we
han-beglerini Babyla äkitdi. 13-14 Ol pa-
tyşanyň tohum-tijinden bolan bir adamy
alyp, onuň bilen äht baglaşdy; oňa ant
içirdi. Ol muny ýurt kiçigöwünli bolsun,
gedemlik etmesin, ähtimi saklar ýaly,
ýerinde dursun diýip etdi. Ol ýurduň
baştutanlaryny ýesir edip alyp gitdi.
15 Ýöne Iýerusalimiň patyşasy atlar we
köp esger bersin diýip, ilçilerini Müsüre
ibermek bilen Babyl patyşasynyň gar-
şysyna gozgalaň turuzdy. Ol üstünlik
gazanarmy? Bu işleri eden aman galar-
my? Eden ähtini bozan halas bolarmy?
16 Içen antyna biperwaý garandygy, eden
ähtini bozandygy üçin Öz barlygymdan
ant içýärin: ol özüni patyşa edip, tagt-
da oturdan patyşanyň mekany bolan
Babylda öler. Muny Hökmürowan Reb
aýdýandyr. 17 Babyllylar köp janlary gyr-
mak üçin berkitmeler salyp, ýapgytlar
guranlarynda, güýçli goşuny we uly
ýygny bolsa-da, faraon oňa söweşde

ýardam etmez. 18 Ol eden ähtini bozdy,
içen antyna biperwaý garady; ol söz
beren hem bolsa, bu işleri etdi; indi ol
gutulmaz“». 19 Munuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Öz barlygymdan ant
içýärin! Men ol tarapdan biperwaý gara-
lan antymy we bozulan ähtimi onuň öz
başyna getirerin. 20 Men torumy ýazaryn,
ol duzagyma düşer, onsoň Babyla getirip,
Maňa eden dönükligi sebäpli oňa hököm
çykararyn. 21 Onuň ähli gaçgak esgerleri
gylyçdan geçiriler we aman galanlary
çar tarapa dargadylar. Onsoň siz muny
Men-Rebbiň aýdandygymy bilersiňiz».

22 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Kedr agajynyň depesinden
bir şahajyk alyp oturdaryn.
Şahasyndan bir ýaş baldak ýolup,
belent dagyň depesinde ekerin.
23 Ony Ysraýylyň belent dagynda
oturdaryn,
ol pudak çykarar, miwe berer,
şöhratly kedr agajy bolar.
Her dürli guşlar şahalarynda
mesgen tutar,
her hili ganatly jandarlar
kölegesinde saýalar.
24 Ýurduň ähli agaçlary
belent agajy peseldýäniň,
pes agajy beýgeldýäniň,
ýaşyl agajy guradýanyň,
guran agajy gögerdýäniň
Meniň Rebdigimi bilerler.
Muny Men-Reb aýdýandyryn,
amala-da aşyraryn».

## 18-nji bap

### *Günäli adamyň günäsi öz boýnuna bolar*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Näme üçin siz Ysraýyl ýurdy hakynda
„Atalar turşy üzüm iýdiler, ogullaryň
dişi gamaşdy“ diýen nakyly aýdýar-
syňyz? 3 Öz barlygymdan ant içýärin,
siz bu nakyly Ysraýylda gaýdyp ulan-
marsyňyz. Muny Men Hökmürowan
Reb diýýärin. 4 Ine, her bir diri jan Me-
niňkidir. Atalaryň jany-da, ogullaryň
jany-da Meniňkidir; diňe günä eden
jan öler. 5 Emma dogruçyl adam adalatly
we dogry zady edýändir. 6 Ol daglarda
butlara hödürlenen gurbanlykdan iýmez,
ysraýyl halkynyň butlaryna göz dikmez,
goňşusynyň aýaly bilen zyna etmez ýa-
da aýalynyň aýbaşyly wagtynda onuň
bilen ýatmaz. 7 Hiç kime zulum etmez,
bergidaryň girewini yzyna gaýtarar,
talaňçylyk etmez, aja nan, ýalaňaja don
berer. 8 Özüniň peýdasyna karz bermez,
göterimine pul bermez, elini adalat-
syzlyk etmekden saklar, iki adamyň
arasynda adalaty hakykata laýyk ýerine
ýetirer. 9 Ol Meniň parzlarymy ýerine
ýetirer, hökümlerimi ak ýürekden doly
berjaý eder; ol dogruçyl adamdyr; ol
hökman diri galar». Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr.

10-11 «Bu ogul atasynyň hiç bir etme-
dik ýamanlyklaryny edip, ýagşy işleriň
gyrasynda görünmez, gaýtam, daglar-
da butlara hödürlenen gurbanlykdan
iýer, goňşusynyň aýaly bilen zyna eder.
12 Garyba we mätäje zulum eder, talaň-
çylyk eder, girewini yzyna gaýtarmaz.
Butlara bil baglar, nejis işler eder. 13 Öz
peýdasyna karz berip, göterimine pul
berer. Beýle ogul diri galarmy? Ýok,
diri galmaz. Ol bu nejis işleriň ählisini
etdi, ol hökman öler we dökülen gany
öz boýnuna bolar.

14 Aýdalyň, bu ogluň-da bir ogly bar
bolsa, ol atasynyň eden ähli günäleri-
ni görüp pikir eder we bular ýaly işleri
etmez; 15 daglarda butlara hödürlenen
gurbanlykdan iýmez, ysraýyl halkynyň

butlaryna bil baglamaz, goňşusynyň aýa-
ly bilen zyna etmez. 16 Hiç kime zulum
etmez, girew almaz, talaňçylyk etmez,
aja nan, ýalaňaja don berer, 17 garyba
zulum etmez, peýda we göterim almaz.
Eger ol Meniň hökümlerimi ýerine ýeti-
rip, parzlarymy berjaý etse, kakasynyň
ýazygy zerarly ölmän, ol hökman diri
galar. 18 Onuň kakasy bolsa öz eden günä-
leri üçin öler, ol zalymlyk edip, doganyny
talady, halkynyň arasynda ýaramaz işler
etdi. 19 Ýöne siz: „Näme üçin ogul atasy-
nyň ýazygyny çekmeýär?“ diýýärsiňiz.
Sebäbi bu ogul adalaty we dogruçyllygy
ýerine ýetirdi, Meniň ähli parzlarymy
berk saklap, olary doly berjaý etdi; ol
hökman diri galar. 20 Günä eden adam öl-
melidir; atasynyň ýazygyny ogly çekmez,
oglunyň ýazygyny-da atasy çekmez.
Dogruçyl adam dogruçyllygynyň, erbet
adam erbetliginiň jogabyny alar. 21 Er-
bet adam eden ähli günälerinden toba
edip, Meniň ähli parzlarymy berjaý etse,
adalaty, dogruçyllygy ýerine ýetirse, ol
hökman diri galar, ölmez. 22 Onuň eden
ähli jenaýatlary barada ýatlanman, ol
eden dogry işlerinde ýaşar. 23 Näme Men
erbet adamyň ölümini oňlaýarynmy?
Men onuň erbet ýollaryndan toba edip,
diri galmagyny islemeýärinmi näme?
Muny Men Hökmürowan Reb diýýärin.
24 Ýöne dogruçyl adam öz dogruçylly-
gyndan dönüp, erbediň ähli nejis işlerini,
pisliklerini etse, ol diri galarmy? Onuň
eden dogry işleriniň hiç biri ýatlanylmaz;
ol özüniň eden dönükligi bilen etmişi
we günäsi üçin öler. 25 Ýöne siz: „Taň-
rynyň ýoly dogry däl“ diýýärsiňiz. Eý,
ysraýyl halky, indi muny eşidiň, Meniň
ýolum dogry dälmi? Nädogry ýol siziň
ýollaryňyz dälmidir? 26 Dogruçyl adam
dogruçyllygyndan dönüp, erbetlik etse
we ölse, ol öz eden günäsi sebäpli öler.
27 Erbet adam-da eden erbetliginden
dönüp, adalaty we dogruçyllygy ýe-
rine ýetirse, ol adam öz janyny halas
eder. 28 Ol özüniň eden ähli günälerine
göz ýetirip, olara toba edendigi üçin,
hökman diri galar, ol ölmez. 29 Ýöne
ysraýyl halky: „Taňrynyň ýoly dogry
däl“ diýýär. Eý, ysraýyl halky, Meniň
ýollarym dogry dälmi? Nädogry ýol siziň
ýollaryňyz dälmidir? 30 Munuň üçin, eý,
ysraýyl halky, Men siziň her biriňizi öz
tutan ýoluňyza görä höküm etjek. Muny
Hökmürowan Reb diýýär. Toba edip, ähli
jenaýatlaryňyzdan el çekiň, şondan soň
olar size günä etdirýän büdreme daşy
bolmaz. 31 Edýän ähli jenaýatlaryňyzy
özüňizden aýryň, täze ýürek we täze
ruh ediniň! Eý, ysraýyl halky, siz näme
üçin öljek bolýarsyňyz? 32 Men hiç ki-
miň ölümini oňlamaýaryn. Muny Men
Hökmürowan Reb diýýärin. Şonuň üçin
günäňizden el çekiň-de, diri galyň».

## 19-njy bap

### *Ysraýylyň ýolbaşçylary üçin agy*

1 Sen Ysraýyl ýolbaşçylary üçin şu
agyny aýt:

2 «Seniň eneň kimdi?
Arslanlar arasynda ene
arslandy!
Ýaş arslanlar arasynda ýatardy,
çagalaryny kemala getirerdi.
3 Çagalaryndan birisi
şir arslan bolup ýetişdi,
awuny parçalamagy öwrendi,
adamlary iýdi.
4 Milletler ol barada eşitdiler.
Ony duzagyna düşürdiler,
çeňňege ildirip, Müsüre
getirdiler.
5 Enesi garaşyp, umydyny üzensoň,
çagalaryndan başga birini alyp,

ony şir arslan edip ýetişdirdi.
6 Ol arslanlar arasynda gezdi,
şir arslan bolup ýetişdi,
awuny parçalamagy öwrendi,
adamlary iýmäge başlady.
7 Olaryň galalaryny ýykdy,
şäherlerini weýran etdi.
Ýurt we onuň içindäkiler
arryldysyndan ýaňa çolardy.
8 Töweregindäki milletler
oňa hüjüm etdiler;
torlaryny ýazyp,
ony duzaga düşürdiler.
9 Çeňňege ildirip, kapasa saldylar,
Babyl şasynyň huzuryna
getirdiler.
Ysraýyl daglarynyň üstünde
gaýdyp sesi eşidilmesin diýip,
ony zyndana taşladylar.
10 Eneň bagdaky üzüm agajy kimin
suwlaryň boýunda ekilipdi,
ol bol suwlardan ýaňa
hasylly we gür şahalydy.
11 Hökümdara hasa bolar ýaly
güýçli şahalary bardy,
boýy belent bulutlara ýetdi;
belentligi we bol şahalary bilen
göze ilip durardy.
12 Ýöne ony gazap bilen
sogrup ýere taşladylar;
gündogar ýeli miwesini guratdy,
berk şahalary goparylyp soldy,
olary ýalynly ot ýakyp ýok etdi.
13 Ol indi çölde,
gurak we suwsuz ýurtda ekildi.
14 Onuň şahalarynyň bir
çybygyndan ot çykyp,
şahasyny hem miwesini
ýandyrdy,
hökümdarlyk hasasy üçin berk
şaha galmady».

Bu agydyr we agylygyna-da galar.

**20-nji bap**

***Ysraýylyň dönükligi***

1 Sürgünde bolýan wagtymyzyň ýe-
dinji ýylynyň bäşinji aýynyň onuna
Ysraýyl ýaşulularyndan birnäçesi Reb-
den maslahat soramak üçin gelip, meniň
garşymda oturdy. 2 Maňa Rebbiň şu sözi
aýan boldy: 3 «Eý, ynsan ogly! Ysraýyl
ýaşululary bilen gepleş we olara Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär diý: „Siz
Menden maslahat soramaga geldiňizmi?
Öz barlygymdan ant içýärin, Men size
Özüme maslahat saldyrtmaryn. Muny
Hökmürowan Reb diýýär. 4 Olary höküm
et, eý, ynsan ogly, olary höküm et! Ola-
ra ata-babalarynyň nejis işlerini aýdyp
ber“». 5 Olara Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: «Ysraýyly saýlan günüm
Ýakubyň nesline kasam eden günümdir
we Müsür ýurdunda Özümi olara aýan
edip: „Hudaýyňyz Reb Mendirin!“ diýip
ant içen günümdir. 6 Hawa, şol gün Men
olary Müsür ýurdundan çykaryp, olar
üçin gözlän ýurduma, ähli ýurtlardan
gözel bolan süýt we bal akýan ýurda
getirjekdigime söz berdim. 7 Onsoň Men
olara: „Her kim göz dikýän nejis zatla-
ryny taşlasyn, özüňizi Müsür butlary
bilen haram etmäň; Hudaýyňyz Reb
Mendirin“ diýdim. 8 Ýöne olar Meniň
garşyma gozgalaň turuzdylar, Meni
diňlemek islemediler; olaryň hiç biri
gözlerine ýakymly görünýän nejis zat-
laryny taşlamady, Müsür butlaryny-da
terk etmedi.

Onsoň Men gahar-gazabymy Müsürde
olaryň başyndan inderjekdigimi aýtdym.
9 Ýöne olaryň arasynda ýaşaýan mil-
letleriň gözüniň alnynda adyma ysnat
getirmezlik üçin, Öz adymyň hatyra-
syna hereket etdim. Men ol milletleriň

gözüniň alnynda ysraýyl halkyny Mü-
sürden çykarmak bilen, Özümi olara
aýan etdim. 10 Şeýlelikde, olary Mü-
sür ýurdundan çykaryp, çöle getirdim.
11 Men olara parzlarymy we hökümlerimi
berdim. Bu hökümleri berjaý eden her
bir adam ýaşar. 12 Olary mukaddes halk
eden Meniň Rebdigimi bilsinler diýip,
Özüm bilen olaryň arasynda alamat bo-
lar ýaly, mukaddes Sabat günlerimi hem
olar üçin belledim. 13 Ýöne ysraýyl halky
çölde Meniň garşyma gozgalaň turuzdy.
Meniň parzlarymy, hökümlerimi berjaý
eden adam aman galsa-da, olar kanunla-
rymy ýerine ýetirmediler. Hökümlerimi
ret etdiler, mukaddes Sabat günümiň
kanunlaryny bütinleý harladylar.

Onsoň Men çölde gahar-gazabymy
başlaryndan inderip, olary ýok etjek-
digimi aýtdym. 14 Emma ysraýyllary
Müsürden çykarandygymy gören mil-
letleriň gözüniň alnynda adyma ysnat
gelmesin diýip, Öz adymyň hatyrasyna
hereket etdim. 15 Olary özlerine berjek
iň gözel ýurduma, süýt we bal akýan
ýurda getirmejekdigime çölde ant iç-
dim. 16 Olaryň ýüregi butlarynyň yzyna
eýerendigi üçin, Meniň hökümlerimi ret
etdiler, parzlarymy berjaý etmediler we
mukaddes Sabat günümiň kanunlary-
ny harladylar. 17 Ýöne Meniň ýene-de
olara ýüregim awady, olary heläk etme-
dim, çölde olaryň soňuna çykmadym.
18 Çölde olaryň perzentlerine şeýle diý-
dim: „Ata-babalaryňyzyň parzlaryna
eýermäň, hökümlerini berjaý etmäň,
özüňizi olaryň butlary bilen haram et-
mäň. 19 Hudaýyňyz Reb Mendirin. Meniň
parzlarymy tutuň, hökümlerimi doly
berjaý ediň, olary ýerine ýetiriň. 20 Mu-
kaddes Sabat günümiň kanunlaryny
ýerine ýetiriň. Hudaýyňyz Meniň Reb-
digimi bilmegiňiz üçin, bu Meniň bilen
siziň araňyzda alamat bolar“. 21 Ýöne
perzentler Meniň garşyma gozgalaň tu-
ruzdylar; Meniň parzlarymy doly berjaý
etmediler, bulary ýerine ýetiren adam
aman galsa-da, hökümlerimi ret etdiler,
mukaddes Sabat günümiň kanunlaryny
harladylar.

Onsoň Men çölde gahar-gazabymy
başlaryndan inderip, olary ýok etjek-
digimi aýtdym. 22 Muňa garamazdan,
ysraýyllary Müsürden çykaranymy
gören milletleriň nazarynda adyma
ysnat gelmesin diýip, ýene elimi yza
çekdim we Öz adymyň hatyrasyna he-
reket etdim. 23 Mundan başga-da, Men
olary milletler arasyna pytradyp, başga
ýurtlara dargatjakdygyma çölde ant iç-
dim. 24 Olaryň gözleri ata-babalarynyň
butlarynyň yzyndadygy üçin, hüküm-
lerimi ýerine ýetirmediler, parzlarymy
ret etdiler we mukaddes Sabat günümiň
kanunlaryny harladylar. 25 Munuň üçin
Men olara ýagşy bolmadyk parzlary
we ýerine ýetiren adam aman galmaz
ýaly hökümleri berdim. 26 Olary özleri-
niň getiren gurbanlyklary bilen harama
çykardym, ilkinji doglan çagany ot üsti
bilen gurban etmäge ýol berdim. Şeýdip,
Men olara howp saldym we Özümiň
Rebdigimi bilsinler diýdim». 27 Munuň
üçin, eý, ynsan ogly, ysraýyl halky bilen
gepleş we olara Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: «Ata-babalaryňyz dönüklik
etmek bilen birlikde Maňa dil-de ýetir-
diler. 28 Men olary wada beren ýurduma
getirenimde, olar her bir gören beýik
baýyrlykda, her bir gür ýaprakly agajyň
astynda gurbanlyklaryny hödürlediler.
Ol ýerde Meniň gaharymy getirýän
sadakalaryny, hoşboý ysly tütetgileri-
ni we içgi sadakalaryny hödür etdiler».
29 Onsoň Men olardan: «Siziň bu gidýän
seždegähiňiz nähili ýer?» diýip soradym.

Şonuň üçin hem bu ýerlere şu güne çenli
hem seždegähler[a] diýilýär. 30 Muňa görä
ysraýyl halkyna Hökmürowan Reb şeý-
le diýýär diý: «Näme üçin siz özüňizi
ata-babalaryňyzyň ýol-ýörelgeleri bi-
len haram edip, olaryň ýigrenji zatlary
bilen zynahorlyk edýärsiňiz? 31 Siz bu
güne çenli ogullaryňyzy otda gurbanlyk
hökmünde hödür edip, ähli butlaryňyz
bilen özüňizi haram edýärsiňiz. Şundan
soň, eý, ysraýyl halky, Men size Özüme
maslahat saldyrarynmy? Öz barlygym-
dan ant içýärin, – Hökmürowan Reb
diýýär – Men size maslahat bermerin.
32 Siz: „Agaja we daşa sygynyp, biz-de
beýleki milletler ýaly, başga ýurtlardaky
taýpalar ýaly bolarys“ diýýärsiňiz, em-
ma akylyňyzda aýlaýan bu zatlaryňyz
amala aşmaz. 33 Öz barlygymdan ant
içýärin, – Hökmürowan Reb diýýär –
Men güýç-gudratym we gahar-gazabym
bilen üstüňizden höküm sürerin. 34 Güýç-
gudratym hem gahar-gazabym bilen
sizi halklaryň arasyndan çykararyn
we dargadylan ýurtlaryňyzdan yzyňy-
za ýygnaryn. 35 Onsoň sizi halklaryň
çölüne getirip, ýüzbe-ýüzleşip, size
höküm çykararyn. 36 Müsür çölünde
ata-babalaryňyza nähili höküm çykaran
bolsam, size hem şeýle höküm çykara-
ryn. Muny Hökmürowan Reb diýýär.
37 Men sizi gözden geçirip, ähte boýun
bolmaga mejbur ederin. 38 Pitneçileri we
Meniň garşyma jenaýat edenleri siziň
araňyzdan aýraryn, olary gelmişek bolup
ýaşaýan ýurtlaryndan çykararyn, ýöne
olar Ysraýyl ýurduna girmezler. Şonda
siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz».
39 «Eý, ysraýyl halky, Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Meni diňlemejek
bolsaňyz, gidiň, mundan beýläk her
kim öz butlaryna gulluk etsin; ýöne
sadakalaryňyzdyr butlaryňyz bilen Me-
niň mukaddes adyma ysnat getirmäň.
40 Ysraýyl halky, ýurtdakylaryň ählisi
Maňa mukaddes dagymda, Ysraýylyň
belent dagynda gulluk eder. Muny Hök-
mürowan Reb diýýär. Men olardan şol
ýerde razy bolaryn. Men ähli mukaddes
zatlaryňyz bilen birlikde sadakalaryňyzy
we gymmatly sowgatlaryňyzy şol ýerde
talap ederin. 41 Sizi halklaryň arasyndan
çykaryp, dargadylan ýurtlaryňyzdan
ýygnanymda, sizi hoşboý ys hökmünde
kabul ederin we milletleriň gözleriniň al-
nynda Öz mukaddesligimi ykrar ederin.
42 Sizi ata-babalaryňyza bermeklige ant
içen ýurduma, Ysraýyl ýurduna getire-
nimde, siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz.
43 Onsoň siz erbet ýollaryňyzy, özüňizi
haram eden ähli işleriňizi ol ýerde ýat-
larsyňyz we eden ähli pislikleriňizden
ýaňa özüňizi ýigrenersiňiz. 44 Eý, ysraýyl
halky! Men siziň öz tutan ýollaryňyza
we ýaramaz işleriňize görä däl-de, Öz
adymyň hatyrasyna hereket edenimde,
siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz“». Muny
Hökmürowan Reb diýýär.

### *Negep tokaýy hakyndaky pygamberlik*

45 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
46 «Eý, ynsan ogly! Ýüzüňi Teýmana
öwür-de, Daroma wagyz et, Negep to-
kaýyna garşy pygamberlik et. 47 Oňa
Rebbiň sözüni eşit, Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý: „Ine, Men içiňde ot
tutaşdyraryn, ol sendäki her bir ösüp
oturan agajy hem, guran agajy hem
köýdürer. Lowlaýan ýalyn söndürilmez
we günortadan demirgazyga çenli ähli
ýüzler onuň bilen birlikde ýanar. 48 Ähli

[a] **20:29** ***Seždegähler*** – ýewreýçe *gidip* we *seždegähiňiz* sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

adamzat ody Men-Rebbiň tutaşdyran-
dygymy görer; ot söndürilmez“».
49 Onsoň men: «Wah, Hökmürowan
Rebbim! Olar men hakda „Aý, ol özünden
toslap tapýar-laý!“ diýişýärler» diýdim.

### 21-nji bap

*Rebbiň gylyjy*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Ýüzüňi Iýerusalime tarap
öwür-de, mukaddes ýerlere garşy wagyz
et, Ysraýyl ýurdy barada pygamberlik
edip, 3 oňa Reb şeýle diýýär diý: „Ine,
Men saňa garşydyryn, gylyjymy gynyn-
dan çykaryp, ýagşyny-da, ýamany-da
senden kesip taşlaryn. 4 Ýagşyny-da,
ýamany-da senden kesip taşlamak üçin
günortadan demirgazyga çenli ähli ynsa-
na garşy gylyjymy gynyndan çykararyn.
5 Şonda tutuş adamzat gylyjyny gynyn-
dan çykaran Rebbiň Mendigimi biler;
indi gylyjy gynyna salmaryn“». 6 «Eý,
ynsan ogly, ah çek, olaryň gözleriniň
alnynda ýüregiňi paralap, ajy gözýaş
dök. 7 Olar saňa: „Näme beýle gam-gussa
batýaň?“ diýenlerinde, sen olara: „Gelen
erbet habar zerarly gama batýaryn. Muňa
her bir ýürek erär, ähli eller gowşar, her
bir ruh tapdan düşer, her bir dyz epiler.
Ine, habar gelýär, ol amala aşar“ diý».
Muny Hökmürowan Reb diýýär.
8 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
9 «Eý, ynsan ogly! Pygamberlik et we
Reb şeýle diýýär diý:

„Gylyç! Gylyç!
ol ýiteldildi, çarhlandy!
10 Bu öldürmek üçin ýiteldildi,
ýyldyrym kimin çaksyn diýip
çarhlandy.
Biz nädip şatlanyp bileris?
Oglum, sen taýagy we temmini
harladyň ahyryn.
11 Gylyç ulanmak üçin çarhlanmaga
berildi;
gylyç ganhoryň eline berilsin
diýip ýiteldildi, çarhlandy.
12 Eý, ynsan ogly! Perýat et, bagyr!
Çünki bu gylyç Meniň
halkymyň,
ähli Ysraýyl ýolbaşçylarynyň
üstünden inýär.
Ysraýyl ýolbaşçylary Meniň
halkym bilen
birlikde gylyçdan geçiriler;
munuň üçin döşüňi ýumrukla.
13 Bu bir synagdyr; taýak
äsgerilmese, soňy näme
bolar?“» Muny Hökmürowan
Reb diýýär.
14 «Eý, ynsan ogly, pygamberlik et
we eliňi çarp.
Goý, gylyç iki, hatda üç gezek
çapsyn.
Bu öldürýän gylyçdyr, köp sanly
ynsanlary gyran,
olary her ýandan gurşan
gylyçdyr.
15 Şeýdip, olaryň gorkudan ýaňa
ýüregi bükgüldesin,
büdremeleri artsyn diýip,
Men ähli derwezelerinde
howp salýan gylyjy goýdum.
Pah-pah, gylyç ýyldyrym kimin
parlady,
gyrmak üçin çykaryldy.
16 Eý, gylyç, sagyňa çoz,
soluňy çap,
ugruň nirä bolsa, şoňa-da git.
17 Men-de maňlaýyma uraryn,
gahar-gazabym ýatyşar,
muny Men-Reb diýdim».

18 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
19 «Eý, ynsan ogly, Babyl patyşasynyň
gylyjy geler ýaly, özüňe iki ýol bel-
le, ikisi-de bir ýurtdan çyksyn. Gala

barýan ýoluň başynda bir belgi ýasap
goý. 20 Ammonlaryň Raba galasyna ýa-
da Ýahudadaky berk diwarly Iýerusalime
girer ýaly, gylyç üçin ýol ýasa. 21 Çünki
Babyl patyşasy iki ýoluň başynda durup
jogap agtarýar. Ol oklary silkeleýär we
butlara maslahat salyp, gurbanlyk ma-
lynyň bagryna seredýär. 22 Onuň sag
elinde Iýerusalimi görkezýän pal bar.
Onda diwar ýykýan pürsleri ýerleşdir-
mek, ölüm buýrugyny bermek, söweş
nagralaryny çekmek, derwezeleri ýum-
rujy gurallary goýmak, berkitmeler we
diwara çykmak üçin ýapgytlar gurmak
barada aýdylýar. 23 Babyl patyşasyna ant
içip, kasam edenleriň nazarynda bu boş
pal bolar; emma olar ele salnanda, pal
bulara ýazygy ýatladar».

24 Şonuň üçin hem Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Siz jenaýatlaryňyzyň
üstüni açmak bilen ýazygyňyzy ýat-
latdyňyz. Ähli işleriňizde günäleriňizi
görkezmek bilen ýazygyňyzy ýatlat-
dyňyz. Şonuň üçin zorluk bilen ele
düşersiňiz.

25 Eý, Ysraýylyň dereksiz, pis
hökümdary,
soňky günüň ýakynlaşdy,
soňky jeza günüň ýetip geldi!»
26 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Selläňi aýyr, täjiňi çykar.
Indi bu beýle bolmaz.
Pes bolan beýgeler,
beýik bolan peseler.
27 Weýran! Weýran!
Şäheri weýran ederin!
Hööküm çykarýan gelýänçä, bu
başa barmaz.
Soňra Men şäheri oňa bererin».

28 «Sen bolsa, eý, ynsan ogly, pygam-
berlik et we masgaralaýjy sözler aýdýan
ammonlar barada Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý:
„Gylyç, gylyç! Öldürmek üçin
gyndan çykaryldy,
ýuwutsyn we ýyldyrym kimin
çaksyn diýip
ýiteldilip çarhlandy.
29 Eý, ammon halky, sen hakda
görülýän görnüşler biderek,
atylýan pallar ýalandyr.
Eý, gylyç, ol zalym pisleriň
boýnuny çapyp taşla,
çünki olaryň soňky güni geldi,
ahyrky jezasynyň wagty ýetdi.
30 Gylyjy gynyňa sal!
Ýaradylan ýeriňde,
dogduk mekanyňda
Men saňa höküm çykararyn.
31 Üstüňize gaharymy döküp,
gazap odumy üflärin,
seni öldürmäge zabun
wagşylaryň eline bererin.
32 Sen oda odun bolarsyň.
Ganyň tutuş ýurtda akar,
indi sen hiç haçan ýatlanmarsyň;
çünki muny Men-Reb aýtdym“».

## 22-nji bap

### *Iýerusalimiň günäsi*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Bu ganhor şäheri höküm et, eý, ynsan
ogly, ony höküm et! Onsoň oňa özü-
niň eden nejis işlerini aýdyp ber. 3 Oňa
Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: „Eý,
öz içinde gan döküp, weýrançylygyny
taýýarlaýan şäher! Butlar ýasap, özüni
haram edýän şäher! 4 Döken ganlaryň
bilen etmişli bolduň, ýasan butlaryň
bilen haram bolduň; günleriňiň soňuny
ýakynlaşdyrdyň, ýyllaryňyň soňuna
çykdyň. Şonuň üçin hem Men seni mil-
letleriň öňünde utanja, ähli ýurtlaryň
öňünde masgaraçylyga sezewar ederin.
5 Eý, ady nejis we içi gowgadan doly

şäher, ýakyndakylar-da, uzakdakylar-da
seni masgaralarlar.
6Ine, içiňde ýaşaýan her bir Ysraýyl
ýolbaşçysy öz güýjüniň çatdygyndan
gan dökýär. 7Olar ata-enäni kemsitdiler,
seniň içiňde gelmişege sütem etdiler,
dul hatyna we ýetime zulum etdiler.
8Sen Meniň mukaddes zatlaryma we
mukaddes Sabat günümiň kanunlaryna
biperwaý garadyň. 9Gan dökmek üçin
araňyzda töhmetçiler bar. Öz araňyz-
dakylar daglaryň üstünde gurbanlyk
iýdiler we haýasyzlyk etdiler. 10Olaryň
käbiri öz atalarynyň aýaly bilen ýatdy.
Seniň içiňde aýal haramka namysyna
degildi. 11Kimse goňşusynyň aýaly bi-
len nejis iş etdi; kimse utanman öz gelni
bilen zyna etdi; kimse öz aýal uýasynyň,
öz atasynyň gyzynyň namysyna degdi.
12Gan dökmek üçin seniň içiňde para
aldylar; sen peýda we göterim aldyň,
zorluk bilen goňşyňdan gazanç etdiň
we Meni unutdyň. Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr.
13Ine, eden haram gazanjyň we öz
içiňde döken ganyň üçin Men elimi
elime uraryn. 14Seniň bilen iş salşan
günlerimde ýüregiň berk, elleriň güýç-
li bolarmy? Muny Men-Reb aýtdym.
Ony ýerine hem ýetirerin. 15Men seni
milletleriň arasyna dargadaryn, ýurt-
lara pytradaryn, haramlygyňyň soňuna
çykaryn. 16Milletleriň gözüniň alnynda
özüňi haram etmegiňi bes edeniňde
Meniň Rebdigimi bilersiň“».
17Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
18«Eý, ynsan ogly! Ysraýyl halky Me-
niň üçin galyndy boldy; olaryň bary bir
körükde eredilen kümşüň galyndysy bü-
rünç, galaýy, demir we gurşun galyndysy
ýalydyr. 19Munuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Baryňyzyň galyndy
bolandygyňyz üçin, Men sizi Iýerusa-
limiň ortasyna ýygnaryn. 20Eretmek
üçin ody üfläp, kümşi, bürünji, demri,
gurşuny we galaýyny körüge salyşlary
ýaly, Men-de sizi gahar-gazabym bilen
şähere salyp erederin. 21Sizi ýygnap,
gazap odumy üstüňize üflärin we siz
şäheriň içinde erärsiňiz. 22Kümşüň kö-
rükde ereýşi ýaly, siz-de şäheriň içinde
erärsiňiz, onsoň gahar oduny üstüňize
dökeniň Men-Rebdigimi bilersiňiz“».
23Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
24«Eý, ynsan ogly! Oňa: „Sen gazap güni
tämizlenmedik, üstüne ýagyş ýagmadyk
ýurtsuň!“ diý. 25Onuň içindäki höküm-
darlary [a] arlap awuny parçalaýan arslan
kimindir; olar adamlary ýuwutdylar,
baýlyk we mal-mülk aldylar, öz içinde
dullaryň sanyny köpeltdiler. 26Onuň
ruhanylary kanunlarymy basgyladylar,
mukaddes zatlarymy harladylar; mukad-
des zat bilen ýönekeý zadyň arasynda
parh goýmadylar, haramyň we halalyň
nämedigini halka öwretmediler, mu-
kaddes Sabat günümiň kanunlaryna
biperwaý garadylar; Men olaryň ara-
synda äsgermezçilige duçar boldum.
27Aralaryndaky ýolbaşçylary haram
gazanç üçin gan dökmekde, adam janyny
ýok etmekde awuny parçalaýan gurtlar
kimindir. 28Pygamberleri boş görnüşler
görüp, ýalandan pal atyp, bu etmişle-
riniň üstüne hek çalýarlar. Men-Reb
aýtmadyk bolsam hem, „Hökmürowan
Reb şeýle diýýär“ diýýärler. 29Ýurduň
halky biri-birini ezip, talaňçylyk etdi,
garyba we mätäje zulum etdi, nähak
ýere gelmişege sütem etdi.
30Ýurdy heläk etmezligim üçin di-
wary täzeden bejerip, onuň gädiginde

---

[a] **22:25** ***Hökümdarlary*** – käbir golýazmalarda *pygamberleriň dildüwşügi.*

ýurt üçin öňümde durup biljek bir adam
agtardym, ýöne tapyp bilmedim. 31 Şo-
nuň üçin hem Men olaryň üstlerine
gazabymy dökdüm, gahar odum bilen
olary ýakyp ýok etdim. Eden işlerini öz
başlaryndan inderdim». Muny Hökmü-
rowan Reb diýýär.

### 23-nji bap

***Ohola we Oholyba***

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Bir eneden doglan iki gyz
bardy. 3 Olar ýaşkalar Müsürde loly bolup,
zyna etdiler. Ol ýerde olaryň mämeleri
ellendi we gyz göwüsleri gysymlandy.
4 Ulusynyň ady Ohola, kiçisiniňki bol-
sa Oholybady. Olar Meniňki boldular,
ogullar we gyzlar dogurdylar. Atlaryna
görä Ohola Samariýadyr, Oholyba Iýeru-
salimdir. 5 Ohola Meniňkikä zyna edip,
oýnaşlary bolan aşur ýolbaşçylaryna
göwün berdi. 6 Bular mawy eşik geý-
nen häkimler bilen emeldarlardy, ählisi
görmegeý ýaş ýigitler we atly esgerlerdi.
7 Ohola Aşuryň görnükli adamlaryna
özüni zynagärlige berdi. Ol kimlere
göwün beren bolsa, şolaryň butlary bi-
len özüni haram etdi. 8 Müsürliler bilen
hem zynagärligini goýmady. Ol ýaşka
müsürliler onuň bilen ýatdylar, gyz gö-
wüslerini gysymladylar we zynalaryny
onuň üstüne dökdüler. 9 Şonuň üçin Men
ony göwün beren oýnaşlarynyň eline,
ýagny aşurlaryň eline berdim. 10 Olar
onuň ýalaňaçlygyny paş etdiler, ogulla-
ryny we gyzlaryny aldylar, özüni bolsa
gylyç bilen öldürdiler. Oňa hökümler
çykaryldy we ol aýallaryň arasynda
masgara boldy.

11 Aýal dogany Oholyba muny gör-
se-de, göwün bermekde ondan hem
azgyndy, zynagärligi uýasynyňkydan-da
çökderdi. 12 Ol bezemen geýnüwli aşur
ýolbaşçylaryna häkimlere, emeldarlara,
at münýänlere, görmegeý ýaş ýigitle-
riň baryna göwün berdi. 13 Men onuň
haram bolandygyny gördüm; ikisiniň
hem ýoly birdi. 14 Emma Oholyba zy-
nagärligini artdyrdy, ol gyzyl reňkler
bilen diwaryň ýüzüne çekilen babylly
erkekleriniň şekilini gördi. 15 Şeýle hem
billeri guşakly, başlary uly selleli, ählisi
serkerde sypatly, asly babylly bolanla-
ryň suratyny gördi. 16 Oholyba olary
gören badyna göwün berip, babyllylaryň
ýurduna çaparlar ýollady. 17 Babyllylar
onuň ýanyna, söýgi düşegine geçdiler,
zynagärlikleri bilen ony haram etdiler.
Babyllylar bilen özüni haram edenden
soň, olary kalby bilen ýigrendi. 18 Oholy-
ba zynagärligini we ýalaňaçlygyny açyk
paş edende, onuň uýasyny ýigrenişim
ýaly, kalbym ony-da ýigrendi. 19 Oholyba
Müsür ýurdunda zynagärlik eden ýaşlyk
günlerini ýatlamak üçin zynagärligini
has artdyrdy. 20 Göwreleri eşegiň göwresi
kimin we billeri atyň bili kimin bolan
oýnaşlaryna göwün berdi. 21 Şeýlelikde,
müsürliler seniň mämeleriňi elläp, gyz
göwüsleriňi gysymlan döwründäki ýaly
ýaşlyk haýasyzlygyňy etdiň».

22 Şonuň üçin, eý, Oholyba, Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: «Men seniň
ýigrenen oýnaşlaryňy özüňe garşy küş-
gürerin, olary her ýandan saňa garşy
aýaga galdyraryn. 23 Babyllylary, ähli
kesetleri, pekotlary, şowalary, kowala-
ry we olar bilen birlikde tutuş aşurlary
görmegeý ýaş ýigitleri, häkimleriň we
emeldarlaryň baryny, serkerdeleri we
ýolbaşçylary, at münýänleri saňa garşy
goýaryn. 24 Olar ýaraglar, söweş arabala-
ry, at-arabalar we bir topar halklar bilen
saňa garşy çykyp, uly-kiçi galkanlary,
demir tuwulgalary bilen daş-töwerekden

daşyňy alarlar. Men olara höküm etmek
ygtyýaryny bererin, olar öz däp-dessur-
lary boýunça saňa hökümler çykararlar.
25 Saňa garşy gabanjaňlygym oýanar.
Olar saňa gazaplanyp ýowuz daraşarlar,
burnuňy we gulaklaryňy kesip taşlarlar,
aman galanlaryňyz gylyçdan heläk bo-
larlar. Ogullaryňy we gyzlaryňy alarlar,
aman galanlaryňyzy ot ýakyp ýok eder.
26 Olar seniň geýimiňi sypyrarlar, owa-
dan şaý-sepleriňi alarlar. 27 Men seniň
Müsürden getiren haýasyzlygyň we
zynagärligiň soňuna çykaryn. Sen olara
indi gabagyňy galdyrmarsyň, Müsüri
gaýdyp ýatlamarsyň». 28 Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Men seni öz ýigrenen
adamlaryňyň, kalbyňyň ýigrenenleriniň
eline bererin. 29-30 Olaryň saňa garşy özle-
rini alyp baryşlary ýigrençli bolar, seniň
ähli zähmetiňiň hasylyny alyp, seni ýala-
ňaç hem alaň-açyk goýarlar. Sen milletler
bilen zyna etdiň, olaryň butlary bilen
haram bolduň. Şeýlelikde, zynagärligiň
ýalaňaçlygy paş bolar. Bu zatlaryň ählisi
haýasyzlygyň we azgynlygyň sebäpli
başyňdan iner. 31 Sen uýaňyň ýolundan
ýörediň, Men onuň käsesini seniň eliňe
bererin». 32 Hökmürowan Reb şeýle diý-
ýär: «Sen uýaňyň çuň we giň käsesinden
içersiň, bu käsäniň pürepürdigi sebäpli,
seniň üstüňden gülnüp masgara bolarsyň.
33 Serhoşlykdan we gaýgydan dolarsyň,
ol seniň uýaň Samariýanyň käsesidir, ol
elhençlik hem weýrançylyk käsesidir.
34 Ony içip tükedersiň, böleklerini ýenjip,
göwsüňi parçalarsyň, Hökmürowan Reb:
„Muny Men aýtdym“ diýýär». 35 Şonuň
üçin Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Meni unudandygyňa, Menden ýüz öw-
rendigiňe görä sen hem öz haýasyzlygyň
we zynagärligiň üçin jezaňy çek».

36 Reb maňa şeýle diýdi: «Eý, ynsan og-
ly! Sen Ohola we Oholybanyň üstünden
höküm çykar! Olara nejis işlerini bildir.
37 Olar zyna etdiler, elleri gan dökdi;
butlary bilen zyna etdiler. Maňa dogran
çagalaryny-da iýmit hökmünde olaryň
butlaryna hödürlediler. 38 Maňa-da şu
işi etdiler: şol gün Meniň mukaddes
öýümi harama çykardylar, mukaddes
Sabat günümiň kanunlaryny harladylar.
39 Butlary üçin çagalarynyň damagyny
çalanlaryndan soň, hut şol gün mukad-
des öýümi harlamak üçin ol ýere girdiler,
ine, Meniň öýümiň içinde şeýle etdiler.

40 Hatda, siz, iki uýa! Uzaklardan
adamlar geler ýaly çaparlar ýolladyňyz,
olar geldiler. Olar üçin siz ýuwundyňyz,
gözleriňize sürme çekdiňiz, şaý-sepler
bilen bezenip, 41 şanly düşekde oturdy-
ňyz, düşegiň öňünde bolsa taýyn saçak
bardy. Meniň ýakymly ysly tütetgim
bilen ýagymy onuň üstünde goýduňyz.

42 Aladasyz märekäniň şowhunly sesi
ýaňlanýardy; köpçülik adamlar bilen
birlikde çölden serhoşlar hem getirildi.
Olar bu iki uýanyň bileklerine bilezikler
dakdylar, başlaryna gözel täçleri geýdir-
diler. 43 Onsoň men: „Wah, bu bir zyna
edip, sandan çykan aýal-a, emma olar
onuň bilen jyns gatnaşyklaryny etmek-
lerini dowam etdirýärler“ diýdim. 44 Olar
bir lolynyň ýanyna girilişi ýaly, onuň
bilen ýatdylar. Şeýdip, haýasyz aýallar
bolan Oholanyň we Oholybanyň ýany-
na girdiler. 45 Emma dogruçyl adamlar
olara zynahor we ganhor aýallaryňky
ýaly höküm çykararlar, sebäbi olar zy-
nahordurlar we ellerini gana buladylar».

46 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Olaryň garşysyna jemagaty örüz, olary
howp astyna we talaňa sal. 47 Jemagat
olary daşlar, gylyçlary bilen kerçär,
ogul-gyzlaryny öldürip, öýlerini ýakar.
48 Şeýdip, Men ýurtdaky haýasyzlygyň
soňuna çykaryn, ähli aýallar mundan

sapak alyp, siziňki ýaly haýasyzlyk
etmezler. 49Olar haýasyzlygyňyzy öz
üstüňize ýüklärler. Siz butlaryňyzyň
günäsiniň jezasyny çekersiňiz. Şon-
da siz Meniň Hökmürowan Rebdigimi
bilersiňiz».

## 24-nji bap

### *Gaýnaýan gazan*

1Sürgünde bolýan wagtymyzyň do-
kuzynjy ýylynyň onunjy aýynyň onuna
maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2«Eý,
ynsan ogly! Özüňe şu günüň, hut şu gü-
nüň senesini ýazyp goý. Babyl patyşasy
hut şu gün Iýerusalimi gabamaga başlady.
3Pitneçi halka bir tymsal aýdyp, Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär diý: „Gazan
atar, gazan atar-da, içine suw guý. 4Et
böleklerini, ýagny but we döşüň oňat
böleklerini onuň içine at. Ony saýlama
omaçalardan doldur. 5Süriniň iň saý-
lamasyndan al. Gazanyň aşagyndaky
odunlary üýşür, gazany mazaly gaýnat,
içindäki omaçalar bişsin“».

6Munuň üçin Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: «Ganhor şäheriň halyna waý!
Kesmek tutan, kesmeginden arassa-
lanmadyk bu gazanyň halyna waý!
Saýlamazdan eti gazandan bölek-bölek
edip çykaryp zyňyň. 7Şäheriň gany onuň
ortasyndadyr; ol ony ýalaňaç gaýanyň
üstüne dökdi; ony gum bilen örter ýaly
ýere dökmedi. 8Men hem gazabymy
tutaşdyryp, öç alar ýaly onuň ganyny
ýalaňaç gaýanyň üstüne dökdüm, onuň
üsti örtülmez». 9Munuň üçin Hökmüro-
wan Reb şeýle diýýär: «Ganhor şäheriň
halyna waý! Men-de odun üýşmegini
has belent ederin. 10Odunlary üýşür,
ody tutaşdyr, eti gowuja bişir, çorbany
gaýnat, goý, omaçalar-da ýanyp köýsün!
11Onsoň boş gazany onuň közleriniň
üstünde goý. Şeýdip, ol gyzar, misi ýa-
nar, pisligi içinde eräp, kesmegi aýrylar.
12Onuň bar zähmeti biderek boldy, galyň
kesmegi ondan aýrylmaýar; kesmegiň
aýrylmagyna hatda ot hem ýardam et-
mez. 13Haýasyzlygyň seni haram etdi.
Men seni tämizlejek boldum, emma
sen tämizlenmek islemediň. Saňa garşy
tutaşan gazabym ýatyşýança, sen ha-
ramlygyňdan tämizlenmersiň. 14Muny
Men-Reb aýtdym, bu berjaý bolar, Men
ony ederin. Jezaňy geçmerin, gaýgyr-
maryn we haýpym gelmez. Öz tutan
ýollaryňa we işleriňe laýyklykda saňa
hököm çykarylar». Muny Hökmürowan
Reb diýýär.

### *Ezekiýel pygamberiň aýaly ölýär*

15Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
16«Eý, ynsan ogly! Ine, Men gözleriňe
iň gymmatly bolan kişini bir zarba-
da senden alaryn, ýöne sen zeýrenme,
aglama, gözýaş dökme. 17Dymyp ah
çek; öliň üçin ýas tutma; selläňi geý,
çarygyňy geý, sakgalyňy örtme; ýas
çöregini iýme».

18Şeýlelikde, men daňdan halka bu
sözleri aýtdym; agşam bolsa aýalym
öldi. Ertesi daňdan men ähli zady özüme
buýrulyşy ýaly berjaý etdim.

19Halk maňa: «Seniň edýän bu zatla-
ryňyň bize näme dahyly bar? Muny bize
aýtjak dälmi?» diýdi. 20Onsoň men olara
özüme Rebbiň sözüniň gelendigini aýt-
dym: 21«Ysraýyl halkyna Hökmürowan
Reb şeýle diýýär diý: „Men güýjüňi-
ziň buýsanjy, gözüňiziň arzuwlaýany,
janyňyzyň mähremi bolan mukaddes
öýümi harlatmakçy. Galdyryp gaýdan
ogul-gyzlaryňyz gylyçdan ölerler“.

22„Siz-de meniň edişim ýaly eder-
siňiz; sakgalyňyzy örtmersiňiz we
ýas çöregini iýmersiňiz. 23Selläňiz

başyňyzda, çarygyňyz aýagyňyzda bolar.
Ýas tutmarsyňyz, aglamarsyňyz, emma
etmişleriňiz zerarly gurap ýok bolar-
syňyz, biri-biriňiz üçin ah çekersiňiz“.
24 „Ezekiýel siziň üçin bir alamat bolar,
ol näme eden bolsa, sizem şony edersiňiz.
Bu hadysalar ýüze çykanda, siz Meniň
Hökmürowan Rebdigimi bilersiňiz“».
25-26 «Eý, ynsan ogly! Men olaryň
güýjüni, gözellik şatlygyny, göz guwan-
jyny, janlarynyň perwaz urýan zadyny,
ogul-gyzlaryny olardan alan günüm bu
beladan gaçyp gutulan biri gelip, muny
saňa habar berer. 27 Şol gün beladan ga-
çyp gutulan adam bilen gepleşmek üçin
saňa täzeden dil biter, sen geplärsiň,
gaýdyp diliň tutulmaz. Sen olar üçin
bir alamat bolarsyň, onsoň olar Meniň
Rebdigimi bilerler».

## 25-nji bap

### *Ammon ýurduna garşy pygamberlik*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Ýüzüňi ammonlara tarap
öwür-de, olaryň garşysyna pygamberlik
et. 3 Hökmürowan Rebbiň sözüni eşi-
diň! Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý:
„Meniň mukaddes öýümi harlanlarynda,
Ysraýyl ýurduny weýran edenlerinde we
ýahuda halkyny sürgün edenlerinde, siz
olar barada: ‘Pah-pah! Ne ajap!’ diýşip
begendiňiz. 4 Şonuň üçin, ine, Men sizi
mülk hökmünde gündogar halklarynyň
eline bererin. Olar düşelgelerini siziň ara-
ňyzda gurarlar, çadyrlaryny sizde dikerler,
olar siziň miweleriňizi iýerler, süýdüňizi
içerler. 5 Raba galasyny düýeleriň örüsine
we Ammon ýurduny dowarlaryň ýatagy-
na öwrerin. Onsoň siz Meniň Rebdigimi
bilersiňiz“». 6 Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: «Siz elleriňizi çarpyp, tans etdiňiz,
Ysraýyl ýurduna bolan ýigrenjiňiz bilen
ýürekden şatlandyňyz. 7 Şonuň üçin hem,
ine, Men elimi siziň garşyňyza uzatdym.
Sizi milletlere olja edip bererin. Men sizi
halklaryň arasyndan sogrup zyňaryn,
ýurtlaryň arasyndan süpürip taşlaryn, sizi
ýok ederin. Onsoň siz Meniň Rebdigimi
bilersiňiz».

### *Mowap ýurduna garşy pygamberlik*

8 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Mo-
wap bilen Segir: „Ýahuda halky hem
beýleki milletler ýalydyr“ diýdiler. 9 Şo-
nuň üçin Men Mowabyň bir gapdalyny
böwsüp, ýurduň şöhraty bolan serhet
şäherlerine Beýtýeşimoda, Bagalme-
gona we Kiryatayýyma zarba uraryn.
10 Men Mowaby ammonlar bilen birlikde
gündogar halklarynyň eline mülk edip
bererin. Şeýdip, ammonlar milletler ara-
synda hiç haçan ýatlanylmaz. 11 Mowaba
hökümler çykararyn, şonda olar Meniň
Rebdigimi bilerler».

### *Edom ýurduna garşy pygamberlik*

12 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Edom öç almak bilen ýahuda halky-
nyň garşysyna hereket etdi, olardan öç
alyp, agyr günä batdy. 13 Şonuň üçin
Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Men
elimi Edomyň garşysyna uzadyp, on-
dan ynsany-da, haýwany-da sogrup
taşlaryn we ony harabaçylyga öwrerin.
Olar Teýmandan Dedana çenli aralykda
gylyçdan heläk bolarlar. 14 Men Edomdan
halkym Ysraýylyň eli bilen öç alaryn.
Olar Edomda Meniň gahar-gazabym
boýunça hereket ederler, onsoň olar
Meniň öjümiň nämedigini bilerler“».
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

### *Piliştlilere garşy pygamberlik*

15 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ebedi duşmançylygy bolan piliştliler

ýahudalardan ar aldylar, ýüreklerindäki
ýigrenç zerarly olary ýer bilen ýegsan
edip öç aldylar. [16]Munuň üçin Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: „Ine, Men elimi
piliştlileriň garşysyna uzadyp, olardan
keretlileri sogrup taşlaryn, deňiz ýaka-
synda galanlaryny ýok ederin. [17]Gazaply
jezalar bilen olardan agyr öç alaryn.
Şonda olar Meniň Rebdigimi bilerler“».

## 26-njy bap

### *Sur galasyna garşy pygamberlik*

[1]Sürgünde bolýan wagtymyzyň on bi-
rinji ýylynyň birinji aýynyň birine maňa
Rebbiň şu sözi aýan boldy: [2]«Eý, ynsan
ogly! Sur galasy Iýerusalim hakda: „Baý-
baý-ow, halklaryň gapysy bolan şäher
ýykyldy, derwezeleri meniň üçin açyldy.
Ol weýran boldy, indi men baýlykdan
dolaryn“ diýdi». [3]Şonuň üçin Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: «Eý, Sur! Men
saňa garşydyryn. Deňiz tolkunlarynyň
ýokary galşy ýaly, Men hem milletleri
seniň garşyňa aýaga galdyraryn. [4]Olar
Suruň diwarlaryny weýran ederler, onuň
diňlerini ýykarlar. Men onuň topragyny
syryp-süpürip, ýalaňaç gaýa öwrerin. [5]Ol
deňiz ortasynda tor ýazylýan ýer bolar.
Hökmürowan Reb: „Muny Men aýtdym“
diýýär. Sur galasy milletlere olja bolar.
[6]Olar Sur galasyna garaşly şäherlerde
ýaşaýanlary gylyçdan geçirerler; onsoň
olar Meniň Rebdigimi bilerler».

[7]Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Ine,
Men patyşalaryň patyşasy bolan Babyl
patyşasy Nebukadnesary atlar, söweş
arabalary, atlylar, köp halklardan ybarat
äpet goşun bilen birlikde demirgazyk-
dan Sur galasynyň üstüne getirerin. [8]Eý,
Sur galasy, olar saňa garaşly şäherlerde
ýaşaýanlary gylyçdan geçirerler, garşy-
ňa berkitmeler salyp, diwaryňa çykmak
üçin ýapgytlar gurarlar we galkanlaryny
seniň garşyňa goýarlar. [9]Pürsler bilen
diwarlaryňy oýarlar, demir gurallary
bilen diňleriňi ýykarlar. [10]Atlarynyň
köplüginden ýaňa seni tozan gapar; di-
warlary ýumrulan bir gala girilişi ýaly,
seniň derwezeleriňden girende atlyla-
ryň, tigirleriň we söweş arabalarynyň
sesinden ýaňa diwarlaryň sarsar. [11]Ähli
köçeleriňi atlarynyň toýnagy bilen ba-
salarlar; halkyňy gylyç bilen öldürerler,
ullakan sütünleriňi ýer bilen ýegsan
ederler. [12]Baýlygyňy talap, mal-mülküňi
basyp alarlar, diwarlaryňy ýykyp, gözel
jaýlaryňy weýran ederler. Daşlaryňy,
agaçlaryňy we topragyňy deňze taşlarlar.
[13]Men seniň aýdymlaryňyň sesini kese-
rin, liralaryňyň sesi gaýdyp eşidilmez.
[14]Seni ýalaňaç gaýa öwrerin, tor ýazylýan
ýer bolarsyň. Indi sen hiç haçan täzeden
bejerilmersiň, çünki Hökmürowan Reb:
„Muny Men-Reb aýtdym“ diýýär».

[15]Hökmürowan Reb Sur galasyna şeýle
diýýär: «Ýykylyşyňyň gürpüldisinden,
ýaralylaryň iňňildisinden, başyňdan inen
elhenç mergiden kenarlardaky halklar
titreşmezmi? [16]Şonda deňiz boýundaky
ähli hökümdarlar tagtlaryndan düşüp,
donlaryny çykararlar, keşdeli eşiklerini
sypyrarlar. Gorky lybasyna girip, ýer-
de oturarlar we dynuwsyz sandyraşyp,
saňa aňk-taňk bolarlar. [17]Soňra olar sen
hakda agy aýdarlar:

„Eý, deňizçileriň ýaşaýan şäheri,
deňizde iň güýçli meşhur şäher!
Wah, sen we sende ýaşaýanlaryň
barysy nähili heläk boldy!
Sen deňziň ýakasynda
ýaşaýanlara[a] howp saldyň!“

[a] **26:17** ***Deňziň ýakasynda ýaşaýanlara*** – ýa-da *onuň ähli ilatyna.*

[18]Seniň ýykylan günüň kenarlardaky
halklar titreşerler, deňiz kenaryndakylar
seniň heläk bolşuňa howsala düşerler».
[19]Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Seni ilatsyz galan şäherler ýaly haraba-
çylyga öwrenimden soň, çuňlugy üstüňe
getirip, köp suwlar bilen büränimden
soň, [20]seni ölüler dünýäsine inýänler
bilen birlikde gadymy halkyň ýanyna
indererin. Ilatsyz bolar ýaly, seni ölüler
dünýäsine inýänler bilen birlikde ýeriň
teýinde, gadymdan bäri harabaçylyga
öwrülen ýerlerde ornaşdyraryn; sen
gaýdyp ilatly bolmarsyň ýa-da dirileriň
ýaşaýan ýurduny eýelemersiň [a]. [21]Men
seni elhenç howpa duçar ederin, sen
ýok bolarsyň. Seni gözlärler, emma hiç
haçan tapmazlar». Muny Hökmürowan
Reb diýýär.

**27-nji bap**

***Sur galasy üçin aýdylan agy***

[1]Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
[2]«Eý, ynsan ogly, Sur galasy hakda agy
aýt. [3]Deňiz girelgelerinde mesgen tutan
we her bir kenarýakasyndaky halklar
bilen söwda eden Sur galasyna Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär diý: „Eý,
Sur, sen ‘Gözellik kämilligi mendirin!’
diýdiň. [4]Seniň hökümdarlygyň beýik
deňizlerdedir; seni bina edenler gözelli-
giňi aňrybaş derejesine ýetirdiler. [5]Sen
Senir dagynyň serwilerinden ýasalan
uly gämi ýalydyň; saňa bogaldak etmek
üçin Liwandan kedr agajyny getirdiler.
[6]Kürekleriňi Başan dublaryndan etdi-
ler; tagtalaryňy Kipr adasynyň serwi
agajyndan ýasap, piliň dişi bilen beze-
diler. [7]Müsürden getirilen keşdeli nepis
zygyr matalar seniň ýelkeniňdi, olar saňa
baýdak bolup hyzmat ederdi. Elişa kena-
rynyň mawy we gyrmyzy matasy seniň
ýapynjaňdy. [8]Sidon we Arwat ilaty seniň
kürekçileriňdi. Eý, Sur, sende akyldarlar
bardy, olar seniň gämiçileriňdi. [9]Gebalyň
garrylary we akyldarlary sende bolup,
jaýryklaryňy suwaýardylar. Harytlary-
ňy alyş-çalyş etmek üçin ähli gämiler
deňizçileri bilen sendediler. [10]Pars,
Lut we Put seniň urşujylaryňdy; olar
galkanlary bilen demir tuwulgalaryny
diwaryňdan asardylar; olar saňa şöhrat
getirerdiler. [11]Arwatlylar we heýlekliler
töwerek-daşyňdaky diwarlaryňyň, gam-
matlylar bolsa diňleriňiň üstündediler.
Olar galkanlaryny diwarlaryňyň töwe-
rek-daşyndan asyp, gözelligiňi aňrybaşa
ýetirerdiler. [12]Baýlygyňyň köpdügi üçin
Tarşyş seniň bilen söwda etdi; harytla-
ryňyň deregine kümüş, demir, galaýy
we gurşun bererdi. [13]Ýawan, Tubal we
Meşek seniň söwdagärleriňdiler; olar
harytlaryňyň deregine gullar we bü-
rünç gaplar bererdiler. [14]Togarma halky
seniň harytlaryňyň deregine ýabyla-
ry, uruş atlaryny we gatyrlary bererdi.
[15]Dedanlylar seniň söwdagäriňdiler;
köp kenarlaryň söwda gatnaşygy seniň
eliňdedi; olar senden alan harytlarynyň
deregine piliň dişi we eben agajy bilen
hasaplaşardylar. [16]Söwdaňyň köpdügi
üçin Siriýa seniň bilen söwda etdi; olar
seniň harytlaryňyň deregine zümerret,
gyrmyzy we keşdeli matalar, nepis zy-
gyr mata, merjen we ýakut bererdiler.
[17]Ýahuda bilen Ysraýyl ýurdy seniň
söwdagärleriňdiler; olar harytlaryňyň
deregine Minnit bugdaýyny, un, bal,
ýag we melhem bererdiler. [18]Söwdaňyň

[a] **26:20** ***Dirileriň ýaşaýan ýurduny eýelemersiň*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Men saňa şöhrat bererin* diýip duş gelýär.

we baýlygyňyň köpdügi üçin Damask
hem seniň bilen söwda etdi; ol Helbon
şerabyny we ak ýüň getirerdi. [19]Uzal
ýurdundan gelen Dan we Ýawan ha-
rytlaryňyň deregine ýüplük bererdiler;
alyş-çalyş harytlaryňyň arasynda bolsa
işlenen demir, dalçyn we hoşboý ys-
ly gamyş bardy. [20]Dedan at münmäge
gerekli bolan eýerlik atkeçeleri bilen
söwda ederdi. [21]Arabystan we bütin
Kedar hökümdarlary seniň iň gadyrly
müşderileriňdi; olar guzular, goçlar we
erkeçler getirip, seniň bilen söwda etdi-
ler. [22]Şebanyň we Ragamanyň täjirleri
seniň söwdagäriňdiler; olar harytlaryňyň
deregine ähli atyrlaryň seresini, her hili
gymmatbaha daşlar we altyn bererdiler.
[23]Haran, Kanne, Eden, Şeba täjirleri,
Aşur we Kilmat seniň söwdagäriňdiler.
[24]Olar seniň bazaryňdaky harytlaryňy
saýlama zatlar bilen, mawy we reňbe-
-reň keşdeli matalar we ýüp bilen berk
daňlan reňkli halylar bilen alyş-çalyş
ederdiler. [25]Seniň harytlaryňyň kerweni
Tarşyşyň gämileridi; sen dolup-daşyp,
deňizler ummanynda agyr ýük bilen
ýüklenerdiň.

[26]Kürekçileriň seni açyk deňizlere
alyp çykarlar, emma gündogar şemaly
deňizler ummanynda seni kül-peýekun
eder. [27]Ýykylan günüň seniň baýlygyň,
harytlaryň, mallaryň, deňizçileriň,
gämiçileriň, jaýryklaryňy suwaýanlar,
harytlaryňy alyş-çalyş edýänler, sendäki
ähli urşujylar we içiňdäki ähli jema-
gat deňizler ummanyna gark bolarlar.
[28]Gämiçileriň ahy-nalasyndan öri meý-
danlar lerzana geler. [29]Ähli kürekçiler,
deňizçiler we ähli deňiz gämiçileri gä-
milerinden düşüp, gury ýerde durarlar.
[30]Seslerini gataldyp, seniň üçin perýat
ederler, başlaryndan gum sowrarlar, kü-
le togalanarlar. [31]Seniň üçin saçlaryny
syryp, jul geýnerler, janhowluna hasrat
bilen zar-zar aglap, dady-perýat ederler.
[32]Seniň üçin agy aýdyp, ýas tutarlar,
ahy-nala çekip, şeýle diýerler:
‘Deňiz ortasynda Sur ýaly
dym-dyrs bolan gala barmy?
[33]Harytlaryň deňizden çykanda, sen
köp halklary doýurdyň, baýlygyň we
harytlaryň köplügi bilen patyşalary
baýatdyň. [34]Ine, deňizde, suwlaryň düý-
bünde kül-peýekun bolanyňda, içiňdäki
harytlaryň we ähli jemagatyň özüň bilen
bile gark boldy’. [35]Kenarlardaky ähli
ilatlar saňa aňkaryşdylar; patyşalary
gaty gorkdular, ýüzleriniň reňki öçdi.
[36]Halklar arasyndaky täjirler saňa sy-
kylyk atdylar; sen elhenç howpa uçrap,
ebedilik ýok bolarsyň“».

## 28-nji bap

### *Sur patyşasyna garşy pygamberlik*

[1]Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
[2]«Eý, ynsan ogly! Sur hökümdaryna
Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý:
„Sen ýürekde gedemlik edip: ‘Men hu-
daýdyryn, men deňizler ummanynda,
hudaýlaryň tagtynda oturýaryn’ diýdiň;
ýüregiňi hudaýlaryň ýüregi kimin tut-
saň-da, sen hudaý dälsiň, ynsansyň. [3]Sen
Danyýelden has akyllysyň, hiç bir syr
senden gizlin däldir. [4]Sen danalygyň we
düşünjäň bilen baýlyk edindiň, hazynala-
ryňda altyn, kümüş topladyň. [5]Söwdada
çuň danalygyň bilen baýlygyňy köpelt-
diň, baýlygyňdan ýaňa ýüregiňi gedem
tutduň“». [6]Şonuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Sen ýüregiňi bir
hudaý ýaly tutduň. [7]Munuň üçin Men
gelmişekleri, milletleriň iň rehimsizini
seniň üstüňe getirerin; olar seniň ajaýyp
danalygyňy gylyç bilen kesip, şan-şöh-
ratyňy harlarlar. [8]Seni gabra indererler;

sen deňizleriň goýnunda wagşy ölüme
duçar bolarsyň. 9 Sen özüňi öldürenleriň
huzurynda-da: „Men hudaý“ diýersiň-
mi? Özüňi öldürenleriň elinde sen hudaý
dälsiň, ynsansyň. 10 Sen gelmişekleriň
elinde sünnetsizleriň ölümi bilen heläk
bolarsyň, sebäbi Hökmürowan Reb:
„Muny Men aýtdym“ diýýär».

11 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
12 «Eý, ynsan ogly! Sur patyşasy
üçin agy aýt,
oňa Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý:
„Kämilligiň möhüri, danalygyň,
gözelligiň aňrybaşy sendiň.
13 Sen Eremde – Hudaýyň
bagyndadyň;
lagyl, topaz, göwher, sary ýakut,
hakyk,
ýaşyl gaşlar, ýakut, pöwrize we
zümerret
ýaly ähli gymmatbaha daşlara
we altyna gaplanypdyň;
gaş öýeleriňdir oýma nakgaşçylyk
işleriň hem altyndandy,
bularyň ählisi seniň ýaradylan
günüň taýýarlanypdy.
14 Sen goragçy kerup bolar ýaly
ganatlaryňy ýaýyp oturdyň,
seni Men belläpdim.
Sen Hudaýyň mukaddes
dagyndadyň,
otly daşlaryň arasynda gezdiň.
15 Ýaradylan günüňden
tä senden ýazyk tapylýança,
ýollaryňda aýypsyzdyň.
16 Söwdaňyň köplügi zerarly seni
zulumdan doldurdylar,
sen günä etdiň.
Şeýlelikde, Men seni haram
hökmünde Hudaýyň
dagyndan aşak taşladym.
Men seni, eý, goragçy kerup,
otly daşlaryň arasyndan kowup
ýok etdim.
17 Owadanlygyň zerarly ýüregiňi
tekepbir tutduň,
şöhratparazlygyňdan ýaňa
danalygyňy harladyň;
Men seni ýere çaldym;
görsünler diýip, patyşalaryň
öňüne zyňdym.
18 Sen köp etmişleriň bilen,
erbet söwdagärligiň bilen
mukaddes ýerleriňi harama
çykardyň;
onsoň Men içiňden ot berdim; ol
seni ýandyrdy.
Men seni ähli görýänleriň
gözleriniň alnynda ýakyp,
ýer ýüzünde kül etdim.
19 Halklar arasynda seni
tanaýanlaryň bary saňa
aňkarylyşarlar;
sen elhenç howpa uçrap,
ebedilik ýok bolarsyň“».

### *Sidon galasyna garşy pygamberlik*

20 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
21 «Eý, ynsan ogly! Ýüzüňi Sidona ta-
rap öwür-de, oňa garşy pygamberlik et.
22 Oňa Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Ine, Sidon, Men saňa garşydyryn;
Men seniň içiňde şöhrat gazanaryn. Saňa
hökümler çykaryp, Öz mukaddesligimi
ykrar edenimde, siz Meniň Rebdigimi
bilersiňiz. 23 Men galanyň içine mergi
iberip, köçelerinden gan akdyraryn;
dumly-duşdan üstüne inýän gylyçdan
galadaky ýaralylar heläk bolarlar. Onsoň
olar Meniň Rebdigimi bilerler. 24 Ys-
raýyl halkyny ýigrenýänleriň hiç biri
indi gaýdyp Ysraýyla çümýän ýandak
we awuly tiken bolmaz, şonda olar Me-
niň Hökmürowan Rebdigimi bilerler“».
25 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Men

ysraýyl halkyny dargadylan halklaryň
arasyndan yzyna ýygnap, milletleriň
gözleriniň alnynda mukaddesligimi
ykrar ederin. Şundan soň olar öz ýurt-
larynda, ýagny Meniň gulum Ýakuba
beren ýurdumda mesgen tutarlar. 26 Ol
ýerde howpsuz ýaşap, öýler gurarlar,
üzüm baglaryny oturdarlar. Daş-töwe-
rekdäki olary ýigrenýänlere hökümler
çykaranymdan soň, olar howpsuz ýaşar-
lar. Şonda olar Meniň özleriniň Hudaýy
Rebdigimi bilerler».

## 29-njy bap

### *Müsüre garşy pygamberlik*

1 Sürgünde bolýan wagtymyzyň onunjy
ýylynyň onunjy aýynyň on ikisine maňa
Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý, ynsan
ogly! Ýüzüňi Müsür patyşasy faraona ta-
rap öwür-de, oňa we bütin Müsüre garşy
pygamberlik et. 3 Oňa Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý: „Eý, Müsür patyşasy
faraon! Sen derýalar boýunda ýatan äpet
aždarha kimin: ‘Nil meniňkidir, ony
özüm üçin ýaratdym’ diýýäň! Men saňa
garşydyryn. 4 Seniň äňleriňe çeňňekler
sokaryn we derýalaryňyň balyklaryny
teňňeleriňe ýapyşdyraryn. Teňňeleriňe
ýapyşan balyklar bilen birlikde seni der-
ýalaryňdan kowup çykararyn. 5 Seniň
özüňi we derýalaryňdaky ähli balyklary
çöle taşlaryn. Sen açyk meýdanda heläk
bolarsyň, ol ýerden ýygnalmarsyň we
hiç kim saňa eýe çykmaz. Men seni
ýabany haýwanlara we ýyrtyjy guşlara
şam ederin. 6 Onsoň ähli Müsür ilaty
Meniň Rebdigimi biler.

Müsür halky ysraýyl halky üçin gamyş-
dan hasa boldy. 7 Ysraýyl halky senden
ýapyşanda, sen döwlüp, ysraýyllaryň
eginlerini ýaraladyň; saňa ýaplananla-
rynda, sen owranyp, billerini döwdüň“».

8 Şonuň üçin Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: «Ine, Men seniň üstüňden gylyç
inderip, ynsany-da, haýwany-da senden
sogrup taşlaryn. 9 Müsür ýurdy haraba-
çylyga we çöllüge öwrüler; onsoň olar
Meniň Rebdigimi bilerler.

Faraon: „Nil derýasy meniňki, ony
men ýaratdym“ diýdi. 10 Şonuň üçin
hem Men saňa we seniň derýalaryňa
garşydyryn; Men Migdoldan Sewene
çenli, Efiopiýanyň serhedine çenli Müsür
ýurduny bütinleý çöllüge we harabaçy-
lyga öwrerin. 11 Oňa adam aýagy basmaz,
haýwan toýnagy sekmez; ol ýerde kyrk
ýyllap hiç kim ýaşamaz. 12 Men Müsüri
haraba öwrülen ýurtlaryň hem iň hara-
basyna öwrerin, onuň şäherleri weýran
edilen şäherleriň hem iň weýrany bolup,
kyrk ýyllap haraba bolup ýatar. Men
müsürlileri milletleriň arasyna pytra-
daryn, ýurtlaryň arasyna dargadaryn».

13 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Kyrk ýyldan soň müsürlileri pytrady-
lan halklarynyň arasyndan ýygnaryn.
14 Men müsürlileriň öňki abadançyly-
gyny gaýtaryp berip, Patros ýurduna öz
dogduk mekanlaryna getirerin. Ol ýerde
olaryň patyşalygy ejiz patyşalyk bolar.
15 Patyşalyklaryň iň ejizi bolar, gaýdyp
milletlerden özüni ýokary tutmaz. Mil-
letleriň üstünden höküm sürmesinler
diýip, Men olary azaldaryn. 16 Müsür-
liler indi hiç haçan ysraýyl halky üçin
arkadaýanç bolmazlar. Gaýtam, Müsüriň
betbagtlygy olara Müsüre dolanmak
bilen eden günälerini ýatladar. Onsoň
ysraýyllar Meniň Hökmürowan Rebdi-
gimi bilerler».

17 Sürgünde bolýan wagtymyzyň ýigri-
mi ýedinji ýylynyň birinji aýynyň birine
maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 18 Eý,
ynsan ogly! Babyl patyşasy Nebukadne-
sar öz goşunyna Sura garşy agyr zähmet

çekdirdi: her bir esgeriň saçy döküldi,
her bir egniň hamy soýuldy; emma çe-
ken zähmetine görä, ne onuň özüne,
ne-de goşunyna Surdan muzd tölendi.
19 Şonuň üçin Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: «Men Müsür ýurduny Babyl pa-
tyşasy Nebukadnesara bererin; ol onuň
baýlygyny äkider, oljasyny alar we ony
talar; bu onuň goşuny üçin muzd bolar.
20 Men onuň garşysyna çeken zähmeti
üçin Müsür ýurduny oňa berdim, sebäbi
olar Meniň üçin işlediler. Muny Hökmü-
rowan Reb diýýär. 21 Men ol gün ysraýyl
halkyna güýç bererin, olaryň arasynda
saňa saýrap duran dil bererin. Onsoň
olar Meniň Rebdigimi bilerler».

## 30-njy bap

### *Müsür üçin agy*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Eý, ynsan ogly! Muny pygamberlik
et-de, Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Siz ‘Ol gün üçin waý!’ diýip perýat
ediň. 3 Çünki ol gün ýakyndyr, Rebbiň
güni golaýdyr. Ol gün apy-tupan güni,
milletleriň jebir çekjek döwrüdir. 4 Mü-
süriň üstünden gylyç iner, müsürliler
gylyçdan heläk bolanlarynda, Efiopiýa
ilatyna gorky aralaşar. Müsüriň baýly-
gy äkidiler, binalary kül-peýekun ediler.
5 Müsür bilen birlikde Efiopiýa, Put, Lut
we beýleki halklardan gelen goşunlaryň
bary, Kub we ylalaşyk baglaşan ýur-
dunyň ilaty gylyçdan geçiriler“». 6 Reb
şeýle diýýär: «Müsüre arka duranlar he-
läk bolarlar, onuň kuwwatynyň buýsanjy
öçer. Migdoldan Sewene çenli olaryň
bary bilelikde gylyçdan geçiriler. Muny
Hökmürowan Reb diýýär. 7 Olar haraba
öwrülen ýurtlardan hem beter haraba
öwrüler, onuň şäherleri weýran edilen şä-
herleriň hem iň weýrany bolar. 8 Müsüre
ot berip, ony goldaýanlaryň baryny ýok
edenimde, olar Meniň Rebdigimi bilerler.
9 Ol gün gaýgy-gamsyz ýaşaýan efioplary
gorkuzmak üçin gämiler bilen habarçylar
ýollaryn. Müsüriň jebir-jepaly döwrün-
däki ýaly, olara hem howp aralaşar, ine,
ol gün ýetip gelýär». 10 Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Men Babyl patyşasy
Nebukadnesaryň eli bilen Müsüriň beýik
goşunynyň soňuna çykaryn. 11 Milletle-
riň iň gorkunjy bolan bu Müsür ýurduny
weýran etmek üçin Nebukadnesar go-
şuny bilen birlikde geler. Olar Müsürde
gylyçlaryny ýalaňaçlap, ýurdy jesetden
doldurarlar. 12 Men derýalary guradaryn,
ýurdy ýaramaz adamlara sataryn; ýurdy
we onuň içindäkileriň baryny gelmi-
şekleriň eli bilen weýran ederin. Muny
Men-Reb aýtdym». 13 Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Men butlary-da ýok ederin,
Memfisdäki biderek heýkelleri aýryp
taşlaryn. Gaýdyp Müsür ýurdunda hö-
kümdar bolmaz. Müsür ýurduna gorky
salaryn. 14 Patrosy weýran ederin, Zogan
galasyna ot bererin, Tebes galasynda hö-
kümler çykararyn. 15 Gazabymy Müsüriň
güýji bolan Siniň üstüne döküp, Tebesiň
köp ilatlylygynyň soňuna çykaryn. 16 Mü-
süre ot bererin, Sin soňsuz jebir çeker,
Tebes galasynyň diwary jaýryk atar we
Memfis galasy her gün duşman hüjümi-
ne sezewar bolar. 17 Heliýopolysyň we
Pibesediň ýaş ýigitleri gylyçdan heläk
bolarlar; galadaky halk sürgün ediler.
18 Müsüriň boýuntyrygyny döwen günüm
Tahpanhesde gündiz gijä öwrüler. Onuň
kuwwatynyň buýsanjy tamamlanar; ony
bir gara bulut gaplar we şäheriň halky
sürgüne gider. 19 Men Müsüre hökümler
çykararyn; şonda olar Meniň Rebdigimi
bilerler».

20 Sürgünde bolýan wagtymyzyň on
birinji ýylynyň birinji aýynyň ýedisine

maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 21 «Eý,
ynsan ogly! Men Müsür patyşasy farao-
nyň goluny döwdüm. Ol şypa tapar ýaly
daňylmady ýa-da gylyç tutmak üçin
güýje geler ýaly oňa sargy saralmady.
22 Munuň üçin Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Men Müsür patyşasy faraona
garşydyryn. Men onuň iki elini hem: sag-
dyn elini-de, döwük elini-de syndyryp
taşlaryn, elindäki gylyjyny gaçyraryn.
23 Men müsürlileri milletleriň arasyna
pytradaryn, olary ýurtlaryň arasyna
dargadaryn. 24 Babyl patyşasynyň gol-
laryny güýçlendirip, gylyjymy onuň
eline bererin; emma faraonyň gollaryny
döwerin. Faraon Babyl patyşasynyň
öňünde agyr ýaraly adamyň iňňildeýşi
kimin iňňildär. 25 Babyl patyşasynyň
goluny güýçlendirerin, emma faraonyň
gollaryny syndyraryn. Gylyjymy Babyl
patyşasynyň eline bererin, ol hem ony
Müsüriň garşysyna uzadar, şonda olar
Meniň Rebdigimi bilerler. 26 Men mü-
sürlileri milletleriň arasyna pytradaryn,
ýurtlaryň arasyna dargadaryn. Onsoň
olar Meniň Rebdigimi bilerler“».

## 31-nji bap

### *Kedr agajy tymsaly*

1 Sürgünde bolýan wagtymyzyň on
birinji ýylynyň üçünji aýynyň birine
maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Faraona we onuň halkyna
şeýle diý:

„Sen beýikligiň boýunça kime
meňzeýärsiň?
3 Ine, Aşur Liwanda owadan şahaly,
tokaý saýaly kedr agajydy.
Onuň boýy uzyndy,
başy bulutlarda ýerleşýärdi.
4 Suwlar ony ösdürdi,
ýerasty bulaklar ony belent etdi;
daş-töweregini derýalar gurşap,
akar çeşmeleri bilen uzakdaky
ähli agaçlary gandyrýardy.
5 Munuň üçin onuň boýy
beýleki agaçlaryň baryndan
uzyndy,
baldaklary güreldi;
suwuň bollugyndan şahalary
uzady.
6 Pudaklarynyň üstünde
gögüň ähli guşlary
höwürtgelediler;
şahalarynyň astynda
ähli ýyrtyjy haýwanlar guzladylar
we kölegesinde ähli uly milletler
mesgen tutdular.
7 Ol belentligi bilen,
şahalarynyň uzynlygy bilen
gözeldi,
köki-de çuň suwlara ýetipdi.
8 Hudaýyň bagyndaky kedr
agaçlary onuň boýuna,
serwiler onuň pudaklaryna-da
taý gelmeýärdi,
çynarlar onuň şahalaryna deň däldi,
Hudaýyň bagyndaky hiç bir agaç
gözellikde oňa taý gelmeýärdi.
9 Men ony gür şahalar bilen
bezäpdim;
Hudaýyň Erem bagyndaky ähli
agaçlar oňa göriplik etdiler“».

10 Şonuň üçin hem Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Onuň boýy ösüp, başy
bulutlara ýetende, bu beýiklik onuň
ýüreginde tekepbirlik döretdi. 11 Şonuň
üçin Men ony milletleriň hökümdarynyň
eline berdim, oňa öz erbetligine laýyk
daraşdylar. Men ondan ýüz öwürdim,
12 gelmişek milletleriň iň rehimsizi ony
kesip taşlap ret etdi. Şahalary daglaryň
üstüne we tutuş derelere düşüp, pudak-
lary çapylyp, ýurduň ähli jülgelerine
taşlandy. Dünýäniň ähli halklary onuň

kölegesinden gitdiler, ony terk etdiler.
13 Gögüň ähli guşlary onuň döwlen bölek-
lerinde mesgen tutýarlar, meýdanyň ähli
haýwanlary onuň şahalarynyň arasynda
ýerleşýärler. 14 Şeýlelikde, suwlaryň ýa-
kasynda ýetişen hiç bir agaç boý alyp,
belende çykmaz ýa-da başlary buluda
ýetmez we bol suw içip ösen hiç bir agaç
beýle belentlige ýetmez. Olaryň bary gab-
ra inýän ähli ynsanlar bilen birlikde ölüler
dünýäsine ýeriň teýine inderildiler».
15 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ölüler dünýäsine inen güni, Men ol agaç
üçin ýas tutsunlar diýip, ony düýpsüz
çuňluk bilen örtdüm, onuň derýalary-
ny togtatdym; äpet suwlary sakladym.
Bu agaç üçin tutuş Liwany tümlüge
gapladym, onuň ähli agaçlaryny sol-
durdym. 16 Ony gabra inýänler bilen
birlikde ölüler dünýäsine inderenimde,
ýykylyşynyň gürpüldisinden milletleri
titretdim; onsoň Erem bagynyň ähli
agaçlary, Liwanyň iň owadan we iň
saýlama agaçlary, bol suw içip ösenleriň
bary ýeriň teýinde teselli tapdylar. 17 Kö-
legesinde ýaşanlar, ýagny milletleriň
arasynda onuň bilen ylalaşyk baglaşanlar
hem onuň bilen birlikde ölüler dünýäsine
gylyçdan geçirilenleriň ýanyna indiler.
18 Erem bagynyň agaçlarynyň haýsysy
şan-şöhratda we beýiklikde saňa meň-
zeýär? Ýöne sen Erem agaçlary bilen
birlikde ýeriň teýine inderilersiň. Sen
gylyçdan geçirilenler bilen birlikde sün-
netsizleriň arasynda ýatarsyň. Faraonyň
we onuň ähli beýik goşunynyň soňy şeýle
bolar». Muny Hökmürowan Reb diýýär.

## 32-nji bap

### *Faraon üçin aýdylan agy*

1 Sürgünde bolýan wagtymyzyň on
ikinji ýylynyň on ikinji aýynyň birine
maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Müsür patyşasy faraon üçin
agy aýt we oňa şeýle diý:

„Özüňi milletleriň ýaş arslanyna
meňzetdiň,
ýöne sen deňizlerdäki aždarha
kiminsiň.
Derýalaryňda eýläk-beýläk
okduryldyň;
aýaklaryň bilen suwlary
çaýkadyň,
derýalary bulandyrdyň“».
3 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Birtopar halklaryň öňünde
torumy
seniň üstüňe taşlaryn;
olar seni Meniň torum bilen
tutarlar.
4 Onsoň seni gury ýere taşlaryn,
meýdana zyňaryn,
gögüň ähli guşlaryny seniň
üstüňe gondururyn,
tutuş dünýäniň ýyrtyjy
haýwanlaryny senden
doýraryn.
5 Etiňi daglaryň üstüne serip,
dereleri çüýrän läşiňden
dolduraryn.
6 Topragyňy daglara çenli ganyň
bilen suwararyn;
jülgeler seniň läşiňden dolar.
7 Seni gümlän mahalym gökleri
bürärin,
ýyldyzlary garaldaryn;
Güni bulut bilen örterin,
Aý-da öz yşygyny bermez.
8 Depäňdäki gökleriň ähli
parlak yşyklaryny garaldaryn,
ýurduňa garaňky düşürerin,
muny Hökmürowan Reb diýýär.
9 Seniň tanamaýan ýurtlaryňa, başga
milletleriň arasyna dargadylan bölegiňi
getirenimde, köp halklaryň ýüreklerini

howsala salaryn. 10 Köp halklary saňa
aňkardaryn, öňlerinde gylyjymy bulaý-
lanymda, olaryň patyşalary sen sebäpli
gaty gorkarlar; seniň agdarylan günüň
olaryň ählisi öz janlary üçin her pursatda
titrär». 11 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Babyl patyşasynyň gylyjy seniň depäň-
den iner. 12 Babyl gerçekleri milletleriň iň
elhenjidir, olaryň gylyjy bilen goşunyňy
heläk ederin. Olar Müsüriň buýsanjynyň
ýoguna ýanarlar, onuň bütin goşuny heläk
bolar. 13 Onuň ähli mal-garalaryny bol
suwlaryň başyndan ýok ederin; mundan
beýläk ynsan aýagy-da, haýwan toýna-
gy-da suwlary bulandyrmaz. 14 Onsoň
suwlaryny durlap, derýalaryny asuda
akdyraryn. Muny Hökmürowan Reb
diýýär. 15 Müsür ýurduny harabaçylyga
öwrenimde, ony ähli zatdan mahrum
edenimde we onuň ilatyny gylyç bilen gy-
ranymda, olar Meniň Rebdigimi bilerler.
16 Agy budur, olar muny aýdarlar; bu agy-
ny milletleriň gyzlary aýdarlar. Müsür we
onuň goşuny barada bu agyny aýdarlar».
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

17 Sürgünde bolýan wagtymyzyň on
ikinji ýylynyň birinji aýynyň on bäşine
maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 18 «Eý,
ynsan ogly! Müsür goşuny hakda da-
dy-perýat et, ony we güýçli milletleriň
gyzlaryny ölüler dünýäsine inýänler
bilen birlikde ýeriň teýine inder.

19 Olara şeýle diý: „Sen kimden
görmegeý?
Aşak in-de, sünnetsizler bilen
bir gabyrda ýat“.

20 Olar gylyçdan geçirilenleriň arasyna
ýykylarlar. Gylyç syryldy; Müsüri we
onuň bütin goşunyny ýere çalyp süýräň.
21 Ölüler dünýäsinde Müsür we onuň ta-
rapdarlary hakda iň batyr ýolbaşçylar:
„Olar aşak indiler, gylyçdan geçirilen
sünnetsizler bilen ýatyrlar!“ diýerler.

22 Aşur we onuň tutuş goşuny ol ýerde.
Gylyçdan geçirilip, heläk bolan esger-
leriniň gabyrlary onuň daşyny gurşap
alypdyr. 23 Onuň gabyrlaryna ölüler dün-
ýäsiniň iň düýbünden ýer berildi, goşuny
gabrynyň töwerek-daşyny tutup dur.
Dirileriň ýurduna howp salanlaryň bary
gylyçdan geçirilip öldürilendirler. 24 Eý-
lam ýurdy ol ýerde we ähli goşuny onuň
gabrynyň töwerek-daşynda; olaryň bary
gylyçdan geçirilip öldürilenler; dirile-
riň ýurduna howp salan bu sünnetsizler
ýeriň teýine indiler. Ölüler dünýäsine
inýänler bilen birlikde olar hem utanja
galdylar. 25 Eýlam ýurduna we onuň tu-
tuş goşunyna gylyçdan geçirilenleriň
arasyndan düşek saldylar; bütin halky
onuň gabrynyň töwerek-daşyndady;
ählisi hem sünnetsizdi we gylyç bi-
len öldürilendi; olar dirileriň ýurduna
howp salypdylar, indi ölüler dünýäsine
inýänler bilen birlikde olar hem utanja
galdylar, olar gylyçdan geçirilenleriň
arasynda ýerleşdirildiler. 26 Meşek, Tubal
ol ýerdedi. Olaryň ähli goşuny olaryň
gabyrlarynyň töwerek-daşyndady; diri-
leriň ýurduna howp salandyklary üçin,
olaryň ählisi hem sünnetsizdi we gylyç
bilen öldürilendi; 27 Olar ölüler dünýäsine
söweş ýaraglary bilen inen, gylyçlaryny
başlaryna ölüm ýassygy edinen, beýleki
heläk bolan sünnetsiz batyrlar bilen bile
ýatmaýarlar. Olaryň günäleriniň jezasy
süňklerine ornar, sebäbi olar dirileriň
ýurdunda batyrlara howp salýardylar.
28 Sen hem, eý, faraon, heläk bolarsyň
we gylyçdan geçirilenler bilen bile sün-
netsizleriň arasynda ýatarsyň.

29 Edom hem öz patyşalary we ähli
hökümdarlary bilen ol ýerdedi. Güýç-
lüdigine garamazdan, olaryň bary
gylyçdan geçirilenler bilen bile ýatyrlar.
Olar sünnetsizler we ölüler dünýäsine

inýänler bilen bile ýatyrlar. 30 Ähli de-
mirgazyk ýolbaşçylary we sidonlylar
hem ol ýerdedi. Güýçli bolup howp
salandyklaryna garamazdan, olar utanç
içinde gylyçdan geçirilenler bilen birlik-
de aşak indiler. Olar gylyçdan geçirilen
sünnetsizler bilen ýatyrlar we ölüler
dünýäsine inýänler bilen birlikde utanja
galdylar. 31 Faraon we onuň tutuş goşuny
olary görüp, özleriniň gylyçdan geçi-
rilen ähli goşuny üçin teselli taparlar.
Muny Hökmürowan Reb diýýär. 32 Men
dirileriň ýurduny gorkudan sandyra-
maga mejbur ederin! Faraon we onuň
tutuş goşuny bolsa gylyçdan geçirilip,
sünnetsizleriň arasynda ýatar». Muny
Hökmürowan Reb diýýär.

## 33-nji bap

### *Reb Ezekiýel pygamberi Ysraýyla gözegçi goýýar*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Men bir ýurduň üstünden
gylyç inderenimde, ol ýurduň halky öz
arasyndan bir adamy saýlap, özlerine
gözegçi goýjakdygyny ildeşleriňe aýt.
3 Gözegçi ýurduň üstüne gylyjyň gelýän-
digini görende, halka duýduryş bermek
üçin surnaý çalar. 4 Şonda kim surnaý
sesini eşidibem, ägä bolmasa we gylyç
gelip, ony öldürse, onuň gany öz boý-
nuna bolar. 5 Ol surnaý sesini eşidibem,
ägä bolmady; onuň gany öz boýnuna
bolar; ýöne ägä bolan öz janyny halas
eder. 6 Gözegçi gylyjyň gelýändigini
görübem, surnaý çalmasa, halka duý-
duryş bermese we gylyç gelip, olardan
biriniň janyny alsa, bu adam öz etmişi
üçin öldüriler. Emma onuň gany üçin
Men gözegçi bilen haklaşaryn.

7 Eý, ynsan ogly! Men seni ysraýyl hal-
kyna gözegçi goýdum; sen Menden söz
eşidip, olara Meniň tarapdan duýduryş
berersiň. 8 Men erbet adama: „Eý, erbet
adam, sen hökman ölersiň!“ diýenim-
de, öz ýolundan ägä bolar ýaly, erbede
duýdurmasaň we erbet adam öz etmişi
üçin ölse, onuň gany üçin Men seniň
bilen haklaşaryn. 9 Dogry ýola düşer
ýaly, erbet adamy öz ýolundan habardar
etseň, emma ol şonda-da öz ýolundan
dönmese, ol etmişi sebäpli öler, emma
sen öz janyňy halas edersiň.

10 Eý, ynsan ogly! Ysraýyl halkyna:
„Siz: Jenaýatlarymyz we günälerimiz
bizi çökerýär, olardan ýaňa eräp ýok
bolup barýarys. Bu ýagdaýda biz nähili
diri galarys? diýýärsiňiz“ diý. 11 Olara
Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: „Öz
barlygymdan ant içýärin. Men erbet
adamyň ölüminden däl-de, onuň erbet
ýolundan dönüp, diri galmagyndan hoşal
bolýaryn. Dönüň! Erbet ýollaryňyzdan
dönüň! Eýsem, sen näme üçin öljek, eý,
ysraýyl halky?“. 12 Eý, ynsan ogly, öz
ildeşleriňe şeýle diý: „Günä eden güni
dogruçyl adamyň dogruçyllygy ony
halas etmez we erbetliginden dönen
güni erbet adamyň erbetligi onuň heläk
bolmagyna sebäp bolmaz. Dogruçyl
adam günä eden güni öňki dogruçyllygy
sebäpli diri galmaz“. 13 Men dogruçyl
adam hakda „Elbetde, ol diri galar“ diýe-
nimde, ol öz dogruçyllygyna bil baglap,
erbetlik etse, onuň ähli dogry işleri ýat-
lanman, gaýtam ol öz eden erbetliginde
öler. 14 Men erbet adama „Sen hökman
ölersiň“ diýenimde, ol öz günäsinden
dönüp, adalaty we dogruçyllygy ýerine
ýetirse, 15 girewi yzyna berse, ogurlan
zadyny tölese we erbetlik etmän, ýaşaý-
şyň düzgünlerinde ýörese, ol hökman
ýaşar, ölmez. 16 Eden günäleriniň hiç biri
ýatlanylmaz; ol adalaty we dogruçyllygy
ýerine ýetirendir, ol hökman diri galar.

17Ýöne seniň ildeşleriň „Taňrynyň ýo-
ly dogry däl“ diýýär; olaryň öz ýollary
dogry däl. 18Dogruçyl adam dogruçyl-
lygyndan dönüp, erbetlik etse, munuň
üçin ol öler. 19Erbet adam erbetliginden
dönüp, adalaty we dogruçyllygy ýerine
ýetirse, olar arkaly diri galar. 20Eý, ysra-
ýyl halky, siz „Taňrynyň ýoly dogry däl“
diýýärsiňiz. Munuň üçin, eý, ysraýyl
halky, Men siziň her biriňizi öz tutan
ýoluňyza görä höküm etjekdirin!»

### *Iýerusalimiň ýykylmagy*

21Sürgünde bolýan wagtymyzyň on
ikinji ýylynyň onunjy aýynyň bäşine
Iýerusalimden gaçyp gutulan bir adam
meniň ýanyma gelip: «Şäher basylyp
alyndy» diýdi. 22Ýaňky adam gelme-
zinden öň, agşam Rebbiň eli meniň
üstümdedi. Ertesi irden ýaňky adam
ýanyma gelmänkä, Reb maňa dil bitirdi.
Dilim açyldy, indi men lal däldim.
23Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
24«Eý, ynsan ogly! Ysraýyl ýurdundaky
harabaçylyklarda ýaşaýan ilat: „Ybra-
ýym ýeke adamdy, ol bu ýurdy miras
aldy; emma biz köp; indi bu ýurt mülk
hökmünde bize berlendir“ diýýärler».
25Şonuň üçin olara Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý: «Siz eti gany bilen
iýýärsiňiz, gözleriňizi butlaryňyza dik-
ýärsiňiz, gan dökýärsiňiz; onsoň ýurdy
siz miras alarmysyňyz? 26Siz gylyjyňyza
daýanýarsyňyz, nejis işler edýärsiňiz, her
kes öz goňşusynyň aýalyny haramlaýar.
Şundan soň siz ýurdy miras alarsyňyz-
my?» 27Olara Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: «Öz barlygymdan ant içýärin,
harabalykdakylar gylyçdan heläk bolar-
lar; çöldäkileri ýyrtyjy haýwanlara şam
ederin; galadakylar we gowakdakylar
bolsa mergiden ölerler. 28Men ýurdy
harabaçylyga öwrerin we weýran ederin,
onuň kuwwatynyň buýsanjy tamam
bolar; Ysraýylyň daglary çolaryp ga-
lar, olardan geçen bolmaz. 29Eden nejis
işleri sebäpli ýurdy weýran edenimden
we harabaçylyga öwrenimden soň, olar
Meniň Rebdigimi bilerler».
30«Sen, eý, ynsan ogly, diwarlaryň
gapdalynda, öýleriň gapysynda ildeşleriň
sen barada gürrüň edýär we biri-birine,
her kim öz doganyna: „Gel, Rebden ge-
len sözüň nämedigini eşideli!“ diýýär.
31Halk üýşüp, seniň ýanyňa gelýär. Me-
niň halkym huzuryňda oturýar, sözleriňi
diňleýär, emma ony berjaý etmeýär;
olaryň dillerinde söýgi aýdymy bol-
sa-da, ýürekleri haram gazançlarynyň
yzyna eýerýär. 32Ine, sen olar üçin oňat
saz çalyp, mahmal owazyň bilen söýgi
aýdymlaryny aýdýan bagşysyň. Olar
seniň sözleriňi diňleýärler, emma olary
berjaý etmeýärler. 33Ine, bu sözler dogry
çykanda dogry çykyp hem gelýär olar
öz aralarynda bir pygamberiň bolandy-
gyny bilerler».

## 34-nji bap

### *Ysraýyl çopanlary*

1Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2«Eý, ynsan ogly! Ysraýyl çopanlarynyň
garşysyna pygamberlik et. Pygamberlik
edip, olara, ýagny çopanlara Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär diý: „Özlerini
bakyp ýören Ysraýyl çopanlarynyň
halyna waý! Çopanlar sürini bakmaly
dälmidir? 3Siz ýag iýip, ýüňden eşik
geýýärsiňiz; semiz goýunlar soýýarsy-
ňyz, emma sürini bakmaýarsyňyz. 4Siz
ejizi kuwwatlandyrmadyňyz, syrkawy
bejermediňiz, ýaralynyň ýarasyny daň-
madyňyz, azaşany yzyna getirmediňiz
we ýitigi idemediňiz; gaýtam, zorluk
hem rehimsizlik bilen olaryň üstünden

agalyk etdiňiz. 5Çopanyň ýokdugy
sebäpli olar dargadyldy; olar dargady-
landa, ýyrtyjy haýwanlara şam boldular.
6Goýunlarym bütin daglarda we belent
depelerde ygyp gezdiler; Meniň goýun-
larym bütin ýer ýüzüne dargady, olary
soran-da bolmady, idän-de“».
7Şonuň üçin, eý, çopanlar, Rebbiň sözü-
ni eşidiň: 8«Öz barlygymdan ant içýärin,
çopanyň ýoklugy üçin Meniň goýunla-
rym talandy we ýyrtyjy haýwanlara şam
boldy. Muny Hökmürowan Reb diýýär.
Çopanlarym goýunlarymy idemediler,
olar sürini bakman, özlerini bakdylar».
9Şonuň üçin, eý, çopanlar, Rebbiň sö-
züni eşidiň. 10Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: «Men çopanlara garşydyryn! Sü-
rim üçin olardan hasabat soraryn we indi
goýun bakdyrmagy goýduraryn. Gaý-
dyp, çopanlar özlerini bakmazlar; Men
goýunlarymy olara iýmit bolmaz ýaly
agyzlaryndan halas ederin». 11Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: «Goýunlarymy
Özüm gözlärinem, idegem ederin. 12Dar-
gan goýunlarynyň arasynda galan çopan
sürüsine nähili ideg, gözleg edýän bolsa,
Men-de goýunlaryma şonuň ýaly ideg
ederin. Gara bulutly, tüm garaňkylyk gü-
ni Men olary ähli dargadylan ýerlerinden
halas ederin. 13Olary halklaryň arasyn-
dan çykararyn, ýurtlardan ýygnaryn; öz
ýerlerine getirip, Ysraýylyň daglarynda,
jülgelerinde we ýurduň ähli oturymly
ýerlerinde bakaryn. 14Olary ýaşyl ýaý-
lada bakaryn; Ysraýylyň belent daglary
olaryň örüsi bolar; ol ýerde ýaşyl ýaýlada
ýatyp, Ysraýylyň daglarynda bol örüde
otlarlar. 15Goýunlarymy Özüm bakyp,
Özüm ýatyraryn. Muny Hökmürowan
Reb diýýär. 16Ýiteni agtararyn, azaşany
yzyna getirerin, ýaralynyň ýarasyny da-
ňaryn we ejizi kuwwatlandyryp, semizi,
güýçlini heläk ederin; olary adalatlylyk
bilen bakaryn». 17«Eý, Meniň sürim,
Men Hökmürowan Reb size şeýle diý-
ýärin: „Goýun bilen goýnuň, goç bilen
tekäniň arasynda höküm çykarjak Men-
dirin. 18Ýaşyl ýaýlada otlaýarsyňyz,
şonda-da örüleriňiziň artyp galanyny
aýaklaryňyz bilen basalaýarsyňyz. Dury
suwdan gansaňyz-da, galanyny aýagyňyz
bilen bulaýarsyňyz. 19Meniň goýunla-
rym siziň basgylan otlaryňyzy iýýärler,
aýaklaryňyz bilen bulandyran suwuňyzy
içýärler“». 20Şonuň üçin hem Hökmü-
rowan Reb şeýle diýýär: «Semiz goýun
bilen arryk goýnuň arasynda hökümi
Meniň Özüm çykarjakdyryn. 21Siz ejiz
goýunlaryň ählisini kowup, tä uzak-
lara dargadýançaňyz, ýanbaşyňyz we
çigniňiz bilen itýärsiňiz, şahyňyz bilen
süsýärsiňiz. 22Şonuň üçin Men goýun-
larymy halas ederin, olar gaýdyp talaňa
salynmaz; goýun bilen goýnuň arasynda
höküm çykararyn. 23Olary bakar ýaly üst-
lerinden ýeke-täk çopan goýaryn. Meniň
gulum Dawut olary bakar we olaryň ço-
pany bolar. 24Men-Reb olaryň Hudaýy we
gulum Dawut olaryň hökümdary bolar.
Muny Men-Reb aýtdym. 25Men olar bilen
parahatçylyk ähtini baglaşaryn, ýurtdaky
ýyrtyjy haýwanlaryň soňuna çykaryn.
Olar çölde howpsuz ýaşarlar we tokaý-
larda ýatarlar. 26Men olara we dagymyň
töweregindäki ýerlere bereket indererin;
ýagşy öz möwsüminde ýagdyraryn, ol
ýagyşlar bereket ýagyşlary bolar. 27Ähli
agaçlar öz miwesini berer, ýer öz hasyly-
ny eçiler. Olar öz ýurtlarynda howpsuz
ýaşarlar. Boýuntyryk baglaryny goparyp,
gul edenleriň elinden azat edenimde, olar
Meniň Rebdigimi bilerler. 28Olar mun-
dan bu ýana milletleriň talaňyna duçar
bolmazlar we ýyrtyjy haýwanlar olary
iýmez. Olar howpsuz ýaşarlar, olary
gorkuzan bolmaz. 29Olar ýurtda gaýdyp

açlykdan heläk bolmaz we milletleriň
gyjalatyny çekmez. Şonda Men olar
üçin bol däneli ekerançylyk meýdanyny
ýetişdirerin. 30 Şonda özleriniň Huda-
ýy Men-Rebbiň olar bilen biledigimi,
ysraýyl halkynyň bolsa Meniň halkym-
dygyny bilerler. Muny Hökmürowan Reb
diýýär. 31 Siz Meniň goýunlarym, örimiň
goýunlarysyňyz. Siz ynsansyňyz, Men
bolsam siziň Hudaýyňyzdyryn». Muny
Hökmürowan Reb diýýär.

## 35-nji bap

### *Reb Edom ýurduny jezalandyrýar*

1 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: 2 «Eý,
ynsan ogly! Ýüzüňi Segir dagyna tarap
öwür-de, onuň garşysyna pygamberlik et.
3 Oňa Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý:
„Eý, Segir dagy, Men saňa garşydyryn;
elimi saňa tarap uzadyp, seni weýran
edip, harabaçylyga öwrerin. 4 Galala-
ryňy weýran ederin, sen harabaçylyga
öwrülersiň; onsoň sen Meniň Rebdigi-
mi bilersiň. 5 Sende ebedi duşmançylyk
bar. Sen ysraýyl halkynyň başyna bela
gelen güni, soňky jezasy döwründe ola-
ry gylyja tabşyrdyň. 6 Şonuň üçin hem
Öz barlygymdan ant içýärin, Hökmü-
rowan Reb diýýär: ganyňy akdyraryn
we gan seni kowalar. Gan dökmekligi
ýigrenmändigiň üçin, gan seni kowalar.
7 Segir dagyny weýran edip, harabaçylyga
öwrerin; ol ýere gelip-gidýäni kesip taş-
laryn. 8 Daglaryňy jesetden dolduraryn;
gylyçdan geçirilenler seniň depeleriň-
de, dereleriňde we jülgeleriňde ýatarlar.
9 Seni ebedilik harabaçylyga öwrerin,
galalaryň ilatsyz bolar. Onsoň sen Meniň
Rebdigimi bilersiň“».

10 «Men-Reb ol ýerde bolsam-da, sen
„Bu iki millet, bu iki ýurt biziňki bolar,
biz ony eýeläris“ diýdiň. 11 Şonuň üçin
hem Hökmürowan Reb şeýle diýýär: Öz
barlygymdan ant içýärin, Men hem seniň
halkyma bolan ýigrenjiň sebäpli görke-
zen gahar we göripligiňe laýyk iş keserin.
Seniň üstüňden höküm çykaranym-
da, ysraýyllaryň arasynda Özümi aýan
ederin. 12 Şonda sen Meniň Rebdigimi
bilersiň. Men seniň Ysraýyl daglaryna:
„Harabaçylyk! Bular bize iýmäge berildi!“
diýip aýdan ähli sögünçleriňi eşitdim.
13 Sen diliň bilen Maňa garşy gedemlik
etdiň, Meniň garşyma biderek ýaňradyň,
Men muny eşitdim». 14 Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Bütin dünýäniň şat-
lanýan mahaly Men seni harabaçylyga
öwrerin. 15 Sen ysraýyl halkynyň mirasy
harabaçylyga öwrülende, näçe şatlanan
bolsaň, şonça-da ejir çekersiň. Sen, eý,
Segir dagy tutuş Edom harabaçylyga
öwrülersiň. Şonda sen Meniň Rebdi-
gimi bilersiň».

## 36-njy bap

### *Reb Ysraýyla bereket berýär*

1 Sen, eý, ynsan ogly, Ysraýyl dagla-
ry hakda pygamberlik edip, şeýle diý:
«Eý, Ysraýyl daglary, Rebbiň sözüni
eşidiň. 2 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
„Duşman siz hakda: ‘Heýjanelek! Indi
gadymy belentlikler-de biziň mülkümiz
boldy!’ diýýär“». 3 Şonuň üçin pygamber-
lik et-de, şeýle diý: «Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Sizi harabaçylyga öwrüp,
her tarapdan weýran etdiler. Şeýdip, siz
milletleriň galyndysyna mülk bolduňyz,
agza-dile düşüp, ile gürrüň bolduňyz“».
4 Şonuň üçin hem, eý, Ysraýyl dagla-
ry, Hökmürowan Rebbiň sözüni eşidiň.
Hökmürowan Reb daglara we depelere,
jülgelere we derelere, daş-töwerekdäki
başga milletlere talaň we gülki bolan
harabalyklara, terk edilen galalara şeýle

diýýändir: 5«Şonuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Başga milletlere,
esasan hem bütin Edoma garşy gyzgyn
gaharym bilen gepledim. Olar örülere
talaň saljak bolup, ýürek şatlygy we
çuňňur ýigrenç bilen Meniň ýurdumy
özlerine mülk edindiler“». 6Şonuň üçin
Ysraýyl ýurdy hakda pygamberlik et,
daglara we depelere, jülgelere we dere-
lere Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý:
«Siz milletleriň gyjalatyny çekendigiňiz
üçin, Men gabanjaňlyk gazabymda gep-
ledim». 7Şonuň üçin Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: «Men elimi galdyryp ant
içýärin, töweregiňizdäki ähli millet-
ler-de beren gyjalatlary zerarly özleri
ejir çekerler. 8Eý, Ysraýyl daglary, siz
şahalar çykaryp, halkym Ysraýyla mi-
we berersiňiz, çünki olaryň öz ýurduna
dolanmaly wagty golaýlady. 9Men siziň
tarapyňyzy tutýaryn we size tarap öw-
rülýärin; siz bejerilip ekilersiňiz. 10Men
siziň ilatyňyzy, tutuş ysraýyl halkyny,
olaryň hemmesini köpelderin, galalar
ilatly bolar, harabalar abatlanar. 11Men
ýurduňyzdaky ynsanlaryň we haýwan-
laryň sanyny köpelderin. Olar örňäp
köpelerler. Ozalkyňyz ýaly ýurduňyzy
adamlardan dolduraryn we size öňkü-
den-de artyk ýagşylyk ederin; onsoň
siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz. 12De-
päňizde ynsanlary halkym Ysraýyly
gezdirerin; olar sizi mülk edinerler, siz
olaryň mirasy bolarsyňyz. Gaýdyp olary
öz çagalaryndan mahrum etmersiňiz».

13Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Olar saňa: „Sen adam iýiji, milletini
öz çagalaryndan mahrum eden bir ýurt“
diýdiler. 14Şonuň üçin sen mundan bu
ýana adam iýmersiň, gaýdyp milleti-
ňi öz çagalaryndan mahrum etmersiň.
Muny Hökmürowan Reb diýýär. 15Indi
hiç haçan milletleriň gyjalatyny saňa
eşitdirmerin; sen gaýdyp halklaryň kem-
sitmelerini çekmersiň we öz milletleriň
büdremegine sebäp bolmarsyň». Muny
Hökmürowan Reb diýýär.

16Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
17«Eý, ynsan ogly! Ysraýyl halky öz
ýurdunda mesgen tutan wagty, erbet
ýol-ýörelgeleri we işleri bilen ony haram
etdi; Meniň öňümde olaryň ýol-ýörelge-
leri aýbaşyly aýalyň haramlygy kimindi.
18Şeýlelikde, ýurda gan çaýkandyklary
we öz ýasan butlary bilen ony haram
edendikleri üçin, Men olaryň üstüne
gyzgyn gazabymy dökdüm. 19Men ola-
ry milletleriň arasyna dargatdym, olar
keseki ýurtlara dargadyldylar; öz tutan
ýollaryna we işlerine görä olara höküm
çykardym. 20Olar milletleriň arasynda,
her bir baran ýerlerinde Meniň mukad-
des adyma ysnat getirdiler. Olar hakda
„Bular Rebbiň halky dälmi näme? Onda
näme üçin olar Onuň ýurdundan çykaryl-
dylar?“ diýildi. 21Ysraýyl halkynyň gelip,
milletleriň arasynda mukaddes adyma
ysnat getirendiklerine haýpym geldi».

22Munuň üçin ysraýyl halkyna Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär diý: «Eý,
ysraýyl halky, Men muny siziň hatyra-
ňyza däl-de, siziň milletleriň arasyna
gidip, ysnat getiren Öz mukaddes ady-
myň hatyrasyna edýärin. 23Milletleriň
arasynda ysnat getirilen, olaryň ara-
synda siziň ysnat getiren beýik adymyň
mukaddesdigini görkezerin. Men olara
siziň üstüňiz bilen mukaddesligimi gör-
kezenimde, milletler Meniň Rebdigimi
bilerler. Muny Hökmürowan Reb diýýär.
24Men sizi milletleriň arasyndan yzy-
ňyza alaryn, ähli ýurtlardan ýygnap, öz
ýurduňyza getirerin. 25Onsoň üstüňize
tämiz suwdan seperin, siz tämiz bolar-
syňyz; sizi ähli haramlygyňyzdan, ähli
butlaryňyzdan tämizlärin. 26Size täze

ýürek bererin, içiňize täze ruh salaryn.
Daşdan bolan ýüregi göwräňizden çy-
karyp, size etden bolan ýürek bererin.
27 Parzlarymy berjaý ederiňiz ýaly, Men
sizi ruhum bilen dolduraryn; onsoň
hökümlerimi doly ýerine ýetirersiňiz.
28 Ata-babalaryňyza beren ýurdumda
mesgen tutarsyňyz. Siz Meniň halkym
bolarsyňyz, Men-de siziň Hudaýyňyz
bolaryn. 29 Sizi ähli haramlygyňyzdan
halas ederin. Men galla emr edip, ony
köpelderin, size gaýdyp açlyk çekdirme-
rin. 30 Gaýdyp siz milletleriň arasynda
açlyk ryswalygyny çekmeziňiz ýaly,
agajyň miwesini we meýdanyň hasylyny
köpelderin. 31 Onsoň erbet ýollaryňyzy,
pis işleriňizi ýatlap, etmişleriňizden we
nejis işleriňizden ýaňa özüňizi ýigre-
nersiňiz. 32 Men muny siziň hatyraňyza
etmeýärin – Hökmürowan Reb diýýär –
muny bilip goýuň. Eý, ysraýyl halky,
tutan ýollaryňyzdan utanyň, ýüzüňiz
gyzarsyn!»

33 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Sizi
ähli etmişleriňizden tämizlän günüm
galalary ilatly ederin, weýran bolup ýa-
tan harabalary abatlaryn. 34 Ötegçileriň
gözleriniň alnynda haraba bolup ýatan
çola ýurt bejeriler. 35 Şonda olar şeýle
diýerler: „Beý-bä! Ozal çolaryp galan
ýurt Erem bagy ýaly bolupdyr-ow! Ha-
raba bolup, weýran edilen gala dikeldilip,
ilatly ýere öwrülipdir!“ diýerler. 36 Onsoň
töweregiňizde galan milletler ýykylany
dikeldýäniň, çola ýerleri ekinzarlyga
öwürýäniň Men-Rebdigimi bilerler. Mu-
ny Men-Reb aýtdym we hökman ýerine
ýetirerin».

37 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Men ysraýyl halkynyň Özümden ýe-
ne ýardam dilemegine gulak goýup, olar
üçin şuny etjek: olary goýun sürüsi
kimin köpeltjek. 38 Baýramçylyklarda
Iýerusalim gurbanlyk sürüsi bilen nä-
çe doly bolsa, weýran edilen galalar-da
adamlardan şonça doly bolar. Şonda olar
Meniň Rebdigimi bilerler».

## 37-nji bap

### *Guran süňkleriň düzlügi*

1 Rebbiň eli meniň üstümdedi. Ol meni
Öz ruhy bilen getirip, düzlügiň ortasynda
goýdy; düzlük süňklerden doludy. 2 Ol
meni olaryň arasyndan her tarapa ge-
çirdi. Düzlükde süňkler san-sajaksyzdy.
Olar gaty gurandy. 3 Ol maňa: «Eý, yn-
san ogly! Bu süňkler direlip bilermi?»
diýip sorady. Men: «Ýa Hökmürowan
Reb, muny Sen bilýärsiň» diýip jogap
berdim. 4 Onsoň Ol maňa bu süňkler
hakda pygamberlik edip, olara şulary aýt
diýdi: «Eý, gury süňkler, Rebbiň sözüni
eşidiň! 5 Hökmürowan Reb bu süňklere
şeýle diýýär: „Ine, Men size nepesimi
üflärin, siz direlersiňiz. 6 Üstüňize si-
ňirler çekip, size et bitirerin, üstüňize
deri geýdirip, içiňize nepesimi üflärin;
siz direlersiňiz we Meniň Rebdigimi
bilersiňiz“». 7 Men özüme tabşyrylyşy
ýaly, pygamberlik etdim. Pygamberlik
edip durkam, bir goh turdy, şakyrdy
boldy. Süňkler biri-birine, ýagny her
süňk özüne degişli süňke ýakynlaşdy.
8 Men seredip durkam, olaryň üstlerin-
de siňirler we et peýda boldy; ýokardan
olary deri gaplady; ýöne olaryň nepesi
ýokdy. 9 Onsoň Ol maňa nepese pygam-
berlik et, eý, ynsan ogly, pygamberlik
et-de, nepese aýt diýdi: «Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: „Eý, nepes, şemal
bolup, çar tarapdan öwüs-de, bu öldü-
rilenleriň üstüne üfle, olar direlsinler“».
10 Şeýlelikde, Onuň maňa tabşyryşy ýaly,
pygamberlik etdim we nepes olaryň içine
girdi. Olar direlip, köp, örän köp goşun

kimin aýak üstüne galdylar. [11]Onsoň
Ol maňa şeýle diýdi: «Eý, ynsan og-
ly! Bu süňkler bütin ysraýyl halkydyr.
Olar: „Süňklerimiz gurady, umydymyz
üzüldi; biz bütinleý ýok edildik“ diýýär-
ler». [12]Munuň üçin, pygamberlik et-de,
olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: «Men gabyrlaryňyzy açyp, sizi ga-
byrlaryňyzdan çykararyn, eý, halkym;
sizi Ysraýyl ýurduna getirerin. [13]Men
gabyrlaryňyzy açyp, sizi gabyrlary-
ňyzdan çykaranymda, eý, halkym, siz
Meniň Rebdigimi bilersiňiz. [14]Onsoň
Men sizi ruhum bilen dolduraryn, siz
direlersiňiz. Men sizi öz ýurduňyzda
ýerleşdirerin. Onsoň muny Men-Rebbiň
aýdandygyny we ýerine hem ýetirjekdi-
gimi bilersiňiz». Muny Reb aýdýandyr.

### *Ýahuda bilen Ysraýylyň birleşmegi*

[15]Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
[16]«Eý, ynsan ogly, özüňe bir taýak al-
da, onuň ýüzüne „Ýahuda üçin we onuň
bilen birleşen ysraýyllar üçin“ diýip
ýaz. Ýene bir taýak al-da, onuň ýüzüne
„Ýusup we onuň bilen jebisleşen tutuş
ysraýyl halky üçin Efraýymyň taýa-
gy“ diýip ýaz. [17]Bir taýak bolar ýaly,
olary biri-birine sepleşdir, olar seniň
eliňde bir bolar». [18]Ildeşleriň senden:
«Bularyň nämäni aňladýandygyny bi-
ze aýtjak dälmi?» diýip soranlarynda,
[19]olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: «Men Efraýymyň elindäki taýagyny
Ýusup bilen birleşen ysraýyl tireleriniň
taýagyny alyp, Ýahudanyň taýagyna
seplärin. Olary bir taýak ederin, Me-
niň elimde olar bir bolarlar. [20]Ýüzüne
ýazgy ýazjak taýaklaryň olaryň göz-
leriniň alnynda seniň eliňde bolsun».
[21]Onsoň olara Hökmürowan Reb şeýle
diýýär diý: «Men ysraýyl halkyny giden
ýerlerindäki milletleriň arasyndan çy-
kararyn. Dumly-duşdan ýygnap, olary
öz ýurtlaryna getirerin. [22]Olary ýurtda,
Ysraýyl daglarynyň üstünde bir millet
ederin, olaryň baryny bir patyşa dolan-
dyrar; olar gaýdyp iki millet bolmazlar,
iki patyşalyga bölünmezler. [23]Mundan
beýläk özlerini butlary bilen, ýigrenji
zatlary bilen ýa-da her dürli jenaýat-
lary bilen haram etmezler; Men olary
eden ähli dönükliginden[a] halas ederin,
tämizlärin. Şeýlelikde, olar Meniň hal-
kym bolarlar, Men hem olaryň Hudaýy
bolaryn. [24]Olara gulum Dawut patyşa
bolar; hemmesi üçin diňe bir çopan bo-
lar. Olar Meniň hökümlerim bilen ýöräp,
parzlarymy doly berjaý ederler. [25]Olar
gulum Ýakuba beren ýurdumda, ýagny
siziň ata-babalaryňyzyň mesgen tutan
ýurdunda ýaşarlar; özleri we çagalary,
çagalarynyň çagalary ebedilik ol ýerde
mesgen tutarlar, gulum Dawut ebedilik
olaryň hökümdary bolar. [26]Men olar
bilen parahatçylyk ähtini baglaşaryn,
bu baky äht bolar. Olary ornaşdyryp,
köpelderin we mukaddes öýümi ebe-
dilik olaryň ortasynda berkarar ederin.
[27]Men olaryň arasynda mekan tutaryn.
Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň
halkym bolarlar. [28]Mukaddes öýüm
ebedilik olaryň arasynda ýerleşende,
milletler Ysraýyly mukaddes edeniň
Men-Rebdigimi bilerler».

## 38-nji bap

### *Goguň çozuşy*

[1]Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
[2]«Eý, ynsan ogly! Magok ýurdunda-
ky Meşegiň we Tubalyň hökümdary

[a] **37:23** ***Eden ähli dönükliginden*** – ýa-da *mesgen tutup, içinde günä eden ýerlerinden.*

Goga tarap ýüzüňi öwür-de, oňa garşy
pygamberlik et. 3Oňa Hökmürowan
Reb şeýle diýýär diý: „Eý, Meşegiň we
Tubalyň hökümdary Gog! Men saňa
garşydyryn. 4Men seni arkan agdaryp,
äňleriňe çeňňek salaryn. Seni we bütin
goşunyňy, atlaryňy, atlylaryňy, bezemen
geýnüwli, uly hem kiçi galkanly, elleri
syrylan gylyçly uly jemagatyňyň ählisi-
ni çykararyn. 5Olar bilen birlikde ählisi
galkanly, demir tuwulgaly bolan pars,
Efiopiýa we Put halklaryny, 6Gomeri we
onuň tutuş goşunlaryny, demirgazygyň
aňry ujundan Togarma halkyny we ähli
goşunlaryny seniň bilen birlikde köp
halklary çykararyn.

7Taýýar bol! Ýanyňa ýygnan ähli je-
magatyň bilen birlikde taýýar bol. Bu
jemagata sen goragçy bolarsyň. 8Köp
wagtdan soňra sen söweşe çagyrylarsyň.
Geljek ýyllarda sen köp halklaryň için-
den yzyna ýygnalan, hemişelik haraba
öwrülen Ysraýyl daglarynda toplanan,
uruşdan rahatlyga gowşan ýurda hüjüm
edersiň. Başga milletleriň arasyndan
çykarylyp getirilen bu halkyň hemmesi
indi howpsuz ýaşaýarlar. 9Sen ýokary
göterilip, tupan ýaly bolup gelersiň;
ýurdy gaplamak üçin sen we goşunlaryň,
özüň bilen birlikde köp halklar bulut
ýaly bolup gelerler“».

10Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Şol
gün seniň aňyňa köp pikirler geler, dil-
düwşük gurarsyň. 11Sen: „Goragsyz
obalaryň garşysyna çykaýyn, dynç we
howpsuz ýaşaýanlaryň üstüne döküleýin.
Olaryň ýaşaýan ýerleriniň bary diwarsyz,
ol ýerde kilt-de, gapy-da ýok“ diýersiň.
12Sen öň weýran edilen, emma indi ilatly
bolan şäherlerde ýaşaýan bu halky ta-
lap, olja alarsyň. Milletleriň arasyndan
yzyna ýygnalyp, çarwaçylyk hem söwda
bilen meşgullanýan, dünýäniň ortasynda
ýaşaýan bu halka garşy eliňi uzadarsyň.
13Şeba, Dedan, Tarşyş söwdagärleri we
onuň ähli ýolbaşçylary senden: „Tala-
maga geldiň dälmi? Jemagatyňy olja
almak, altyn-kümüş äkitmek, emläk we
köp olja edinmek üçin ýygnadyňmy?“
diýip sorarlar».

14Munuň üçin, eý, ynsan ogly, pygam-
berlik et-de, Goga Hökmürowan Reb
şeýle diýýär diý: «Şol gün sen Meniň hal-
kym Ysraýylyň howpsuz ýaşaýandygyna
göz ýetirersiň! 15Şonda sen ýanyňdaky
köp halklar bilen, at üstünde bolan uly
jemagat we güýçli goşun bilen demir-
gazygyň aňry ujundan, öz mekanyňdan
gelersiň. 16Sen ýer ýüzüni gaplaýan bulut
kimin halkym Ysraýylyň üstüne hüjüm
edersiň. Eý, Gog, ahyrky günlerde Men
seni Öz ýurduma hüjüm etdirerin, sen
arkaly milletlere mukaddesligimi aýan
edip, Özümi tanadaryn».

17Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Öňki döwürlerde gullarym Ysraýyl
pygamberleriniň üsti bilen gürrüňi-
ni edenim sen dälmidiň? Ol günlerde
Meniň seni ysraýyllaryň garşysyna
çykarjakdygym hakda ýyllar boýy py-
gamberlik etdiler. 18Goguň Ysraýyl
ýurdunyň garşysyna çykan güni, hut
şol gün Meniň gahar-gazabym möwç
urar. Muny Hökmürowan Reb diýýär.
19Gabanjaňlygym we otly gazabym bi-
len Men jar edýän: Şol gün Ysraýyl
ýurdunda ýer titrär. 20Deňziň balyklary,
gögüň guşlary, ýyrtyjy haýwanlar, ýer-
däki süýrenijiler we ýer ýüzündäki ähli
ynsanlar Meniň huzurymda titreşerler,
daglar ýumrular, uçutlar ýykylar, ähli
diwarlar ýer bilen ýegsan bolar. 21Äh-
li daglarymda gylyjy Goguň üstüne
çozmaga çagyraryn Hökmürowan Reb
diýýär her adamyň gylyjy öz doganyna
garşy bolar. 22Gogy mergi we gylyç bilen

jezalandyraryn; onuň we goşunlarynyň
üstüne, ýanyndaky köp halklaryň üstü-
ne gark ediji ýagyş we güýçli doly, ot
we kükürt ýagdyraryn. 23Şeýdip, Men
beýikligimi we mukaddesligimi gör-
kezjekdirin, köp milletleriň gözleriniň
alnynda Özümi aýan etjekdirin; şonda
olar Meniň Rebdigimi bilerler».

### 39-njy bap

1Eý, ynsan ogly, Goguň garşysyna
pygamberlik et we oňa Hökmürowan
Reb şeýle diýýär diý: «Eý, Meşegiň we
Tubalyň hökümdary Gog! Men saňa gar-
şydyryn. 2Seni arkan agdaryp süýrärin,
demirgazygyň aňry uçlaryndan çykaryp,
Ysraýyl daglarynyň üstüne getirerin.
3Sol eliňden ýaýyňy, sag eliňden okuňy
urup gaçyraryn. 4Sen ähli goşunlaryň
we ýanyňdaky halklar bilen birlikde Ys-
raýyl dagynyň üstünde heläk bolarsyň.
Seni her hili ýyrtyjy guşlara we ýabany
haýwanlara iýmit edip bererin. 5Sen
açyk meýdanda heläk bolarsyň, çünki
Hökmürowan Reb: „Muny Men aýtdym“
diýýär. 6Magogyň we kenarýakalarynda
howpsuz ýaşaýanlaryň üstüne ot ibere-
rin; şonda olar Meniň Rebdigimi bilerler.
7Halkym Ysraýylyň içinde mukaddes
adymy aýan ederin; mundan beýläk
mukaddes adymyň harlanmagyna ýol
bermerin; onsoň milletler Ysraýylda
mukaddes bolan Meniň Rebdigimi bi-
lerler. 8Ine, ol gün geler we amala aşar,
Hökmürowan Reb diýýär; Meniň gür-
rüňini eden günüm bu gündür. 9Ysraýyl
galalarynyň ilaty daşary çykyp ot ýakar,
ähli ýaraglary, kiçi hem uly galkanlary,
ýaýlary we oklary, serdesseleri we naý-
zalary ýakyp-ýandyrarlar; bular ýedi
ýyllap oda ýakylar. 10Oduny meýdandan
daşamazlar, tokaýlary çapmazlar. Olar
ody ýaraglar bilen ýakarlar; özlerini ta-
lanlary talarlar, soýanlary soýarlar. Muny
Hökmürowan Reb diýýär. 11Şol gün
Men Ysraýylda, deňziň gündogaryndaky
Ötegçiler deresinde Goga gabrystanlyk
bererin. Gogy we onuň ähli goşunyny
ol ýerde gömerler we oňa „Goguň be-
ýik goşunynyň deresi“ diýerler. 12Ýurdy
tämizlemek üçin ysraýyl halky ýedi
aýlap olary gömmegini dowam etdirer.
13Ýurduň halky olary gömer. Meniň
şöhratlanan günüm bu ysraýyl halky
üçin at-abraý bolar. Muny Hökmürowan
Reb diýýär. 14Ýurdy tämizlemek üçin
adamlar bellener. Olar hemişe ýurduň
içinde gezip, her bir ýerde galan basyba-
lyjynyň jesedini gömerler, şeýdip, ýurdy
tämizlärler. Bu tämizleýiş işi ýedi aýyň
dowamynda geçirilmelidir. 15Ýurduň
içinde gezýän gözlegçiler adam süňküni
görse, ony tä Gog goşunynyň deresinde
gömýänçäler, onuň ýanynda bir nyşan
dikerler. 16Galanyň ady-da Hamona[a]
bolar. Şeýdip, olar ýurdy tämizlärler».
17Eý, ynsan ogly, Hökmürowan Reb her
hili guşlara we ähli ýyrtyjy haýwanlara
şeýle diýýär diý: «Üýşüň-de, geliň; si-
ziň üçin kesjek gurbanlygyma, Ysraýyl
daglarynyň üstündäki uly gurbanlyga
dumly-duşdan ýygnanyň, et iýersiňiz,
gan içersiňiz. 18Başanyň semiz haýwan-
larynyň: goçlaryň, guzularyň, erkeçleriň
we öküzleriň eti we gany ýaly, güýçli
adamlaryň we dünýäniň hökümdarla-
rynyň etini iýersiňiz, ganyny içersiňiz.
19Siziň üçin kesen gurbanlygymdan
doýýançaňyz ýag iýersiňiz, serhoş bol-
ýançaňyz gan içersiňiz. 20Saçagymyň
başynda atlardan, söweş arabalaryndan,
güýçli urşujylardan hem esgerlerden

[a] **39:16** ***Hamona*** – bu söz *Beýik goşun* diýmegi aňladýar.

doýarsyňyz. Muny Hökmürowan Reb
diýýär. 21Men milletleriň arasynda
şöhratymy aýan ederin; çykaran hö-
kümlerimi, üstlerine goýan elimi ähli
milletler görerler. 22Şeýlelikde, ysraýyl
halky şol günden başlap, Meniň özleriniň
Hudaýy Rebdigimi biler. 23Milletler ys-
raýyl halkynyň Maňa dönüklik edendigi
üçin, öz ýazygy sebäpli ýesir edip äkidi-
lendigini bilerler. Men ýüzümi olardan
gizledim, olary duşmanlarynyň eline
berdim, ählisi gylyçdan heläk boldular.
24Olara öz haramlyklaryna we günäle-
rine laýyk jeza berdim; ýüzümi olardan
gizledim». 25Munuň üçin Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Indi Men Ýakubyň
öňki abadançylygyny gaýtaryp bererin,
bütin ysraýyl halkyna rehim ederin
we mukaddes adym sebäpli gabanjaň
bolaryn. 26Olara hiç kim howp salman,
öz ýurtlarynda howpsuz ýaşanlarynda,
özleriniň masgaraçylykly hereketlerine
we Maňa garşy eden dönükliklerine uta-
narlar. 27Men olary halklaryň arasyndan
yzlaryna getirenimde we duşmanlary-
nyň ýurdundan ýygnanymda, olaryň
üsti bilen köp milletleriň gözleriniň
alnynda Öz mukaddesligimi görkeze-
rin. 28Sürgün eden ýerlerimden halky
yzyna getirenimde, olar Meniň özle-
riniň Hudaýy Rebdigimi bilerler; ol
ýerde olaryň birini-de galdyrman öz
ýurtlaryna ýygnaryn. 29Ruhumy ysra-
ýyl halkynyň üstüne dökerin we indi
hiç haçan ýüzümi olardan gizlemerin».
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

## 40-njy bap

### *Täze ybadathana hakyndaky görnüş*

1Sürgünde bolýan wagtymyzyň ýigri-
mi bäşinji ýylynyň birinji aýynyň onuna
Iýerusalim şäheriniň ýykylmagynyň
on dördünji ýyly, edil şol gün Rebbiň
eli meniň üstümdedi. Ol meni şol ýere
äkitdi. 2Görnüşde Hudaý meni Ysraýyl
ýurduna getirip, bir belent dagyň üstünde
goýdy. Günorta tarapda şähere meňzeş
binalar bar ýalydy. 3Reb meni ol ýere
getirdi. Ine, bir adam peýda boldy, daş
keşbi bürünç ýaly ýalpyldaýardy, elinde
zygyrdan edilen ýüp we bir ölçeg taýa-
gy bardy; ol derwezede durdy. 4Ýaňky
adam maňa şeýle diýdi: «Eý, ynsan
ogly! Gözleriň bilen gör, gulaklaryň
bilen eşit, saňa görkezjek ähli zatlaryma
ýagşy üns ber. Sen bu ýere meniň saňa
görkezmegim üçin getirildiň. Görýän
ähli zatlaryňy ysraýyl halkyna jar et».

5Ine, Hudaýyň öýüniň daşynda töwe-
rekleýin diwar bardy. Ýaňky adamyň
elinde uzynlygy alty tirsek bolan ölçeg
taýagy bardy, her tirsek adaty tirsek-
den dört barmak uzyndy. Ol diwaryň
galyňlygyny ölçedi: onuň ini-de, bo-
ýy-da bir ölçeg taýagyna deňdi. 6Onsoň
ol gündogar tarapdaky derwezä gelip,
onuň basgançaklary bilen gapysynyň
ýanyna çykyp, onuň bosagasyny öl-
çedi: onuň ini bir ölçeg taýagydy. Bu
bosaganyň ini bir ölçeg taýagydy. 7Her
hüjräniň uzynlygy-da, ini-de bir ölçeg
taýagydy. Hüjreleriň aralygy bäş tirsekdi.
Hudaýyň öýüne tarap bakýan eýwa-
nyň ýanyndaky gapynyň bosagasynyň
uzynlygy bir ölçeg taýagydy. 8-9Soňra
ol derwezäniň içki eýwanyny ölçedi, ini
alty tirsek, uzynlygy sekiz tirsek çykdy.
Söýeleriniň galyňlygy iki tirsekdi; der-
wezäniň içki eýwany Hudaýyň öýüne
tarap bakyp durdy. 10Gündogar tarapda-
ky derwezäniň hüjreleri her ýandan üçdi;
üçüsiniň-de ölçegi birdi; söýeleriň ölçegi
hem her ýandan birdi. 11Ol derwezäniň
agzynyň inini ölçedi, on tirsek boldy we
içki derwezäniň uzynlygy on üç tirsek

boldy. 12Hüjreleriň öňünde her tarap-
dan bir tirseklik diwar bardy; hüjreleriň
ölçegi her ýandan alty tirsekdi. 13Ol der-
wezäni bir hüjräniň üçeginden beýleki
üçegine çenli ölçedi: onuň ini ýigrimi
bäş tirsek çykdy, hüjreleriň girelgeleri
biri-birine bakyşyp durdular. 14Derwezä-
niň girelgesindäki däliziň töwerekleýin
ölçegi altmyş tirsek çykdy. 15Derwezäniň
girelgesinden içki eýwanyň aňry başyna
çenli uzynlyk elli tirsekdi. 16Derwezäniň
iç tarapynda hüjreleriň we söýeleriň her
ýanynda penjire görnüşli tagçalar bardy,
eýwanlar hem şeýledi; söýeleriň ýüzün-
de palma agaçlarynyň şekili bardy.

17Onsoň ol meni daşky howla getirdi;
ol ýerde otaglar we töwerekleýin çekilen
daş ýol bardy. Daş ýoluň ugrunda otuz
otag bardy. 18Derwezeleriň iki gapda-
lyndaky daş ýoluň giňligi derwezeleriň
uzynlygyna deňdi. Bu aşaky daş ýoldy.
19Onsoň ol aşaky derwezäniň öňünden
içki howlynyň öňüne çenli bolan giňiş-
ligi daşardan ölçedi: ol ýüz tirsek çykdy;
gündogar we demirgazyk tarapda-da
şeýledi. 20Daşky howlynyň demirgazy-
gyndaky derwezäniň-de uzynlygyny we
inini ölçedi. 21Onuň hüjreleri bu ýanda
üç, ol ýanda hem üçdi; söýeleriň we eý-
wanyň ölçegi birinji derwezäniň ölçegi
bilen meňzeşdi; uzynlygy elli tirsek, ini
ýigrimi bäş tirsekdi. 22Onuň tagçalary,
eýwany we çekilen palma agaçlarynyň
şekili gündogar tarapdaky derwezäniň
ölçegine görädi. Oňa ýedi basgançak-
dan çykylýardy we olar eýwana alyp
barýardy. 23Içki howlynyň derwezeleri
demirgazyk we gündogar tarapdaky
derwezeler bakyşyp durdular; derweze-
den derwezä çenli aralygy ölçedi: ol ýüz
tirsek çykdy.

24Onsoň ol adam meni günorta tara-
pa äkitdi; ine, günorta tarapa bakýan
bir derweze bardy; onuň söýelerini we
eýwanyny ölçedi, munuň ölçegi-de
beýlekilere meňzeşdi. 25Derwezede
we eýwanda öňki tagçalar ýaly tagça-
lar bardy we derwezäniň uzynlygy elli
tirsek, ini ýigrimi bäş tirsekdi. 26Oňa
çykar ýaly ýedi basgançak bardy we olar
eýwana alyp barýardy. Onuň söýeleri-
niň ýüzünde palma agaçlarynyň şekili
bardy; olaryň biri bu ýanda, beýlekisi
ol ýandady. 27Içki howlynyň günorta
derwezesi bardy; ol adam günorta derwe-
zeden beýleki derwezä çenli uzynlygyny
ölçedi, ol ýüz tirsek çykdy.

28Soňra ol meni günortadaky derwe-
zeden içki howla getirdi we günortadaky
derwezäni ölçedi; munuň ölçegi-de beý-
lekilere meňzeşdi. 29Onuň hüjreleriniň,
söýeleriniň we eýwanynyň ölçegleri-de
beýlekilere meňzeşdi. Derwezede we
eýwanda töwerekleýin tagçalar bardy.
Derwezäniň uzynlygy elli tirsek, ini
ýigrimi bäş tirsekdi. 30Howlynyň her
gapdalynda uzynlygy ýigrimi bäş tirsek,
ini bäş tirsek bolan eýwanlary bardy.
31Derwezäniň eýwany daşky howla ta-
rap bakyp durdy; söýeleriniň ýüzünde
palma agaçlarynyň şekili bardy; oňa
çykar ýaly sekiz basgançak bardy.

32Onsoň ol meni içki howla, onuň gün-
dogar tarapyna getirdi; derwezäni ölçedi,
munuň ölçegi-de beýlekilere meňzeş-
di. 33Onuň hüjreleriniň, söýeleriniň we
eýwanynyň ölçegleri-de beýlekilere
meňzeşdi; derwezede we eýwanda tö-
werekleýin tagçalar bolup, derwezäniň
uzynlygy elli tirsek, ini ýigrimi bäş
tirsekdi. 34Derwezäniň eýwany daşky
howla tarap bakyp durdy; söýeleriniň
ýüzünde palma agaçlarynyň şekili bardy;
oňa çykar ýaly sekiz basgançak bardy.

35Onsoň ol meni demirgazykdaky
derwezä getirdi; ony ölçedi, munuň

ölçegi-de beýlekilere meňzeşdi. [36]Mu-
nuň-da hüjreleri, söýeleri, eýwany we
tutuş töweregindäki tagçalary meňzeşdi.
Onuň uzynlygy elli tirsek, ini ýigrimi
bäş tirsekdi. [37]Onuň eýwany daşky howla
tarap bakýardy; söýeleriniň ýüzünde her
ýan tarapdan palma agaçlarynyň şekili
bardy; oňa çykar ýaly sekiz basgançak
bardy. [38]Derweze girelgesindäki sütün-
leriň gapdalynda gapysy açyk bir otag
bardy; ýakma gurbanlyklaryny şol ýerde
ýuwýardylar. [39]Üstünde ýakma gurban-
lygyny, günä we ýazyk gurbanlyklaryny
soýar ýaly eýwanyň her tarapynda iki
hantagta durdy. [40]Eýwanyň daşynda,
demirgazykdaky derweze girelgesiniň
her ikiýan gapdalynda iki hantagta dur-
dy. [41]Derwezäniň her ikiýan gapdalynda
dört hantagta bolup, üstünde gurbanlyk
malyny soýar ýaly jemi sekiz hantagta
bardy. [42]Ýakma gurbanlygy üçin ýonu-
lan daşdan uzynlygy we ini bir ýarym
tirsek, beýikligi bolsa bir tirsek bolan
dört hantagta durdy; olaryň üstünde
bolsa ýakma gurbanlygyny we beýleki
gurbanlyklary soýmak üçin enjamlar
bardy. [43]Otagyň içinde töwerekleýin
hersiniň uzynlygy dört barmak bolan
ildirgiçler kakylgydy; hantagtalaryň
üstünde bolsa gurbanlyk eti bardy. [44]Içki
derwezäniň daşynda, içki howluda iki
otag[a] bardy; bularyň biri demirgazyk
derwezesiniň gapdalyndady we ýüzi
günorta tarap bakýardy, beýlekisi günor-
ta derwezesiniň gapdalynda bolup, ýüzi
demirgazyk tarapa bakýardy.

[45]Ol adam maňa şeýle diýdi: «Ýüzi
günorta tarap bakýan bu otag Hudaýyň
öýüni goraýan ruhanylar üçindir. [46]Ýüzi
demirgazyga tarap bakýan otag bolsa,
gurbanlyk sypasyny goraýan ruhanylar
üçindir. Bular lewi tiresinden bolup,
Rebbe hyzmat etmek üçin, Oňa ýakyn-
laşan Sadogyň ogullarydylar». [47]Soňra
ol howlyny ölçedi; onuň uzynlygy-da,
ini-de ýüz tirsek bolup, inedördüldi.
Gurbanlyk sypasy bolsa Hudaýyň öýü-
niň öňündedi.

### *Hudaýyň öýi*

[48]Onsoň ol adam meni Hudaýyň öýü-
niň eýwanyna getirip, onuň girelgesiniň
gapdal diwarlaryny ölçedi, olaryň uzyn-
lygy bäş tirsekdi; girelgäniň ini on dört
tirsek, gapdal diwarlarynyň ini bolsa üç
tirsekdi. [49]Eýwanyň uzynlygy ýigrimi
tirsek, ini on iki tirsekdi; oňa çykar ýaly
on basgançak bardy. Girelgäniň ikiýan
gapdalynda sütünler bardy.

## 41-nji bap

[1]Onsoň ol adam meni Hudaýyň öýüniň
daşky otagyna getirip, onuň söýelerini
ölçedi, onuň ini her ýandan alty tirsek-
di; bu öňki mukaddes çadyryň giňligi
ýalydy. [2]Girelgäniň ini on tirsekdi; oňa
her iki tarapdan birleşýän diwarlaryň ini
bäş tirsekdi. Ol daşky otagy hem ölçedi,
onuň uzynlygy kyrk tirsek, ini ýigrimi
tirsekdi. [3]Onsoň ol içki otaga girip, gi-
relgäniň her söýesini ölçedi, olaryň her
biriniň ini iki tirsekdi. Girelgäniň ini
alty tirsekdi we oňa her iki tarapdan
birleşýän diwarlaryň ini ýedi tirsekdi.
[4]Ol adam daşky otagyň öňündäki bu
otagy ölçedi: uzynlygy-da, ini-de ýig-
rimi tirsekdi. Onsoň ol maňa: «Bu iň
mukaddes otagdyr» diýdi.

[5]Hudaýyň öýüniň diwaryny ölçedi,
onuň galyňlygy alty tirsekdi; onuň tutuş
daş-töweregindäki gapdal otaglarynyň
ini dört tirsekdi. [6]Otag üstünde otag

---

[a] **40:44** ***Iki otag*** – käbir golýazmalarda *aýdymçylar üçin otaglar.*

bolup, gapdal otaglar üç gatdy we her
gatda otuz otag bardy. Pürsler öýüň
diwarlaryna girmesin diýip, öýüň diwar-
larynda gapdal otaglara goldaw berýän
çykgytlar bardy. 7Hudaýyň öýüniň tö-
weregindäki gapdal otaglar ýokary gata
çykdygyňça giňelýärdi, sebäbi öýüň
diwarlarynyň düýbi ýokarsyna garanda
inlidi. Ýokary gatlara çykdygyňça-da,
otaglar giňelýärdi. Şeýle-de, iň aşaky
otagdan iň ýokarky otaga ortaky otagdan
çykylýardy. 8Men bu öýüň daş-töwe-
rekleýin belentligini gördüm; gapdal
otaglaryň düýpleri doly bir ölçeg taýagy-
na, ýagny alty tirsege deňdi. 9-10Gapdal
otaglaryň daşky diwarynyň galyňlygy
bäş tirsekdi; öýüň gapdal otaglary bilen
howlynyň otaglarynyň arasynda boş
aralyk bardy. Onuň ini ýigrimi tirsek
bolup, öýi daş-töwerekleýin gurşap al-
ýardy. 11Gapdal otaglar açyk giňişlige
tarap açylýardy. Demirgazyk tarapdaky
otaglara girilýän bir gapy bardy, günorta
tarapynda hem bir gapy bardy; töwe-
rekleýin açyk giňişligiň ini bolsa bäş
tirsekdi. 12Günbatardaky meýdançanyň
öňünde bir ymarat bardy, onuň ini ýetmiş
tirsekdi; diwarynyň galyňlygy her ýan-
dan bäş tirsek, uzynlygy togsan tirsekdi.

13Soňra ol adam Hudaýyň öýüni
ölçedi: uzynlygy ýüz tirsekdi; onuň
meýdançasy, jaýy, diwarlary bilen bir-
likde ýüz tirsek çykdy. 14Öýüň gündogar
tarapynyň we meýdançasynyň ini hem
ýüz tirsekdi. 15Onsoň ol öýüň arkasyn-
daky meýdança bakyp duran ymaratyň
uzynlygyny ölçedi, her tarapyndaky
eýwanlary bilen birlikde onuň uzynlygy
ýüz tirsekdi.

Daşky otag, içki otag, howla bakyp
duran eýwan, 16bosagalar, tagçalar, bo-
saganyň garşysyndaky üçtaraplaýyn
diwarly eýwança ýerden tagçalaryna
çenli agaç gapylydy. Bu tagçalar penjire
görnüşindedi. 17-18Gapynyň depesi, içki
hem daşky otaglary, öýüň tutuş diwar-
lary nagyşlar bilen haşamlanyp, olara
keruplaryň we palma agaçlaryň şekil-
leri salnypdy; iki kerubyň arasynda bir
palma agajy bolup, her kerubyň iki ýüzi
bardy. 19Bir tarapynda palma agajyna
bakýan ynsanyň ýüzi bardy, beýleki
tarapynda palma agajyna bakýan ýaş
arslanyň ýüzi bardy. Tutuş öýüň ähli tö-
weregine şeýle edilipdi. 20Daşky otagyň
diwarynyň ýüzüne aşakdan gapynyň
depesine çenli keruplar haşamlanandy;
öýüň diwarynyň ýüzi-de şeýledi. 21Daş-
ky otagyň gapy söýeleri inedördüldi;
iň mukaddes otagyň öňündäki gapy
söýeleri-de bulara meňzeýärdi. 22Gur-
banlyk sypasy agaçdan bolup, beýikligi
üç tirsek, uzynlygy iki tirsekdi; burçlary,
uzynlygy we diwarlary hem agaçdandy.
Ol maňa: «Rebbiň huzuryndaky han-
tagta budur» diýdi. 23Daşky otag bilen
iň mukaddes otagyň iki-ikiden goşa
gapysy bardy. 24Her gapynyň iki taýy,
açylyp-ýapylýan iki taýy bardy; iki ta-
ýy bir gapynyňky, iki taýy-da beýleki
gapynyňkydy. 25Diwarlaryň ýüzüne çe-
kilişi ýaly, daşky otagyň gapylaryna-da
keruplar bilen palma agaçlary oýulyp
çekilendi; daşarda eýwanyň öňünde
dalan bardy. 26Eýwanyň gapdal diwar-
larynda penjire görnüşli tagçalaryň we
palma agaçlarynyň şekili bardy. Öýüň
gapdal otaglary we dalan hem şeýledi.

## 42-nji bap

### *Ruhanylaryň otaglary*

1Onsoň ol adam meni demirgazyk
tarapdan daşky howla çykardy. Hu-
daýyň öýüniň meýdançasynyň we
ymaratyň gapdalyndaky demirgazyk

otaglara getirdi. 2 Gapysy demirgazy-
ga bakýan bu ymaratyň uzynlygy ýüz
tirsek, ini elli tirsekdi. 3 Içki howlynyň
ini ýigrimi tirseklik boş aralygynyň
we daşky howlynyň daş ýolunyň ara-
synda üç gatly biri-birinden beýgelýän
eýwanlar bardy. 4 Bu iki hatar otagla-
ryň arasynda gezer ýaly ini on tirsek,
uzynlygy ýüz tirsek bolan däliz bardy;
onuň gapylary demirgazyga bakýardy.
5 Ýokarky otaglar dardy, sebäbi jaýyň
aşaky we ortaky otaglaryna garanda,
eýwanlar olardan köpräk ýer tutýardy.
6 Olar üç gatdan ybaratdy, howlynyň
sütünleri ýaly sütünleri ýokdy; şonuň
üçin ýokarky eýwan aşaky we ortaky
eýwandan darrak edilipdi. 7 Otaglaryň
öňünde otaglara we daşky howla tarap
uzalýan diwar bardy, onuň uzynlygy elli
tirsekdi. 8 Daşky howludaky otaglaryň
uzynlygy elli tirsekdi; ybadathananyň
garşysyndaky gapdal otaglaryň uzyn-
lygy bolsa ýüz tirsekdi. 9 Bu otaglara
daşky howludan girjek bolsaň, gündogar
tarapdaky aşaky geçelgeden bir girelge
bardy. 10 Içki howlynyň gündogar tara-
pynda meýdança we ymarata bakýan
başga otaglar hem bardy. 11 Demirgazyk
tarapdaky otaglarda bolşy ýaly, bu otag-
laryň hem deňinde bir geçelge bardy.
Otaglaryň uzynlygy we ini birmeň-
zeşdi; olaryň ähli çykalgalary, gurluşy
we gapylary edil şolar ýalydy. 12 Şeýdip,
günbatardaky otaglara edil demirgazyk-
daky ýaly diwaryň ýanyndaky gündogar
tarapdan uzalýan aşaky geçelgeden gi-
rilýärdi. 13 Ol adam maňa şeýle diýdi:
«Meýdançanyň demirgazygyndaky we
günortasyndaky otaglar mukaddes otag-
lardyr. Rebbe hyzmat edýän ruhanylar
iň mukaddes zatlary ol ýerde iýerler;
iň mukaddes zatlary, galla sadakasy-
ny, günä we ýazyk gurbanlyklaryny ol
ýerde goýarlar; çünki ol ýer mukaddesdir.
14 Ruhanylar mukaddes ýere girenlerinde,
hyzmat edýän wagty geýýän geýimle-
rini bu otaglarda çykaryp goýmazdan
daşky howla çykmasynlar, sebäbi bu
geýimler mukaddesdir. Halkyň ýany-
na çykmazdan öň, olar başga geýimler
geýmelidirler».

15 Ol adam mukaddes ýeri ölçäp bo-
lanyndan soň, meni gündogara tarap
bakýan derwezeden çykaryp, diwaryň
töwereginiň uzynlygyny ölçedi. 16 Ölçeg
taýagy bilen mukaddes ýeriň gündo-
gar tarapyny ölçedi: bu ölçeg taýagy
boýunça bäş ýüz tirsek çykdy. 17 Onuň
demirgazyk tarapyny ölçedi, ölçeg ta-
ýagy boýunça bäş ýüz tirsekdi. 18 Onuň
günorta tarapyny ölçedi: ölçeg taýagy
boýunça bäş ýüz tirsek çykdy. 19 Onuň
günbatar tarapyny ölçedi: ölçeg taýagy
boýunça bäş ýüz tirsek çykdy. 20 Ony
dört tarapyndan hem ölçedi. Mukad-
des zady ýönekeý zatdan aýyrmak üçin
onuň daş-töwereginde bir diwar bardy.
Onuň uzynlygy-da, ini-de bäş ýüz tir-
sege deňdi.

## 43-nji bap

### *Rebbiň şöhraty öýi doldurýar*

1 Onsoň ol adam meni gündogar tara-
pa bakyp duran derwezä getirdi. 2 Ine,
gündogar tarapdan Ysraýyl Hudaýynyň
şöhraty geldi. Onuň sesi güýçli akýan
suwlaryň şaggyldysy ýalydy. Onuň şöh-
ratyndan ýer nur saçýardy. 3 Bu görnüş
Hudaýyň Iýerusalimi heläk etmäge
gelendäki we Kebar kanalynyň ýaka-
syndaky gören görnüşlerime meňzeşdi;
men ýere ýüzin ýykyldym. 4 Rebbiň
şöhraty gündogara tarap bakýan derwe-
zeden öýe girdi. 5 Onsoň Ruh meni alyp,
içki howla getirdi; Rebbiň şöhraty öýi

doldurdy. 6 Ýaňky adam ýanymda durka,
men öýden biriniň özüme söz gatýan-
dygyny eşitdim. 7 Ol maňa şeýle diýdi:
«Eý, ynsan ogly! Meniň tagtymyň we
aýak dabanymyň ýeri, ysraýyl halky-
nyň arasynda ebedilik oturjak ýerim bu
ýerdir. Mundan beýläk ysraýyl halky-da,
olaryň patyşalary-da zyna edip, sežde-
gählerinde patyşalarynyň heýkellerini
oturtmak bilen Meniň mukaddes adymy
haram etmezler. 8 Olar bosagasyny bosa-
gamyň, gapylarynyň söýesini gapymyň
söýesiniň ýanynda gurdular, Men bilen
olaryň arasynda diňe bir diwar bardy;
olar nejis işleri bilen Meniň mukaddes
adymy haram etdiler; Men gahar-ga-
zabym bilen olary heläk etdim. 9 Indi
zynalaryny we patyşalarynyň heýkel-
lerini Menden uzaklaşdyrsynlar, Men
hem ebedilik olaryň arasynda mesgen
tutaryn. 10 Sen, eý, ynsan ogly, ysraýyl
halkyny bu öýden habarly et, goý, onuň
nusgasyny ölçesinler we etmişlerin-
den ýaňa utansynlar. 11 Eger eden ähli
işleri üçin utansalar, öýüň gurluşyny,
onuň ýerbe-ýerdigini, girelgelerini we
çykalgalaryny, tutuş taslamasyny we
düzgünlerini, ähli meýilnamalaryny we
kanunlaryny olara aýan et, gözleriniň
alnynda şuny ýaz. Şeýdip, onuň tutuş
meýilnamasyny we ähli düzgünlerini
saklasynlar, olary berjaý etsinler. 12 Hu-
daýyň öýüniň kanuny şeýledir: dagyň
başynda onuň ähli töwereginiň araçägi
örän mukaddes ýer bolar. Ine, Hudaýyň
öýüniň kanuny şudur».

### *Gurbanlyk sypasy*

13 Bir tirsek we dört barmak bolan
uzyn tirsek boýunça gurbanlyk sypasy-
nyň ölçegi şeýledir: onuň ýapjagazynyň
çuňlugy-da, ini-de bir tirsek, ýabyň gy-
rasy töwerekleýin bir garyş. Gurbanlyk
sypasynyň esasy düýbi budur. 14 Arykdan
aşaky diwara çenli beýikligi iki, ini
bir tirsekdir; kiçi diwardan uly diwara
çenli beýikligi dört, ini bir tirsekdir.
15 Gurbanlyk sypasynyň beýikligi dört
tirsek. Onuň üstünden ýokarlygyna dört
şah bolar. 16 Gurbanlyk sypasynyň üst
bölegininiň ojagynyň boýy on iki tirsek,
ini on iki tirsek bolup, her dört tarapdan
inedördül bolar. 17 Uly diwaryň her dört
tarapynyň uzynlygy we ini on dört tirsek
bolar. Onuň her dört gapdalyndaky ýa-
byň gyrasy ýarym tirsek, töwerekleýin
ýapjagazy bir tirsek bolup, basgançak-
lary gündogar tarapda bolar.

18 Ol maňa şeýle diýdi: «Eý, ynsan
ogly! Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
„Gurbanlyk sypasyny dikeniňizde, onuň
üstünde ýakma gurbanlyklary hödür et-
mek we oňa gan serpmek üçin düzgünler
şulardyr: 19 Maňa hyzmat etmek üçin
huzuryma gelen Sadok neslinden bolan
ruhanylara günä gurbanlygy hökmün-
de bir öküzçe ber. Muny Hökmürowan
Reb diýýär. 20 Onuň ganyndan al-da,
gurbanlyk sypasynyň dört şahyna, di-
waryň dört burçuna we töwerekleýin
ýabyň gyrasyna çal; bu ony tämizläp,
haramlygyndan sapladygyň bolar. 21 Gü-
nä gurbanlygy bolan öküzçäni al-da,
Hudaýyň öýüniň bellenen ýerinde, mu-
kaddes ýeriň daşynda ýak. 22 Ikinji gün
günä gurbanlygy hökmünde şikessiz bir
erkeji hödür et we gurbanlyk sypasyny
öküzçe bilen nähili tämizlän bolsaň,
ýene-de şeýdip tämizle. 23 Tämizleme
işini tamamlanyňdan soň, şikessiz bir
öküzçe bilen sürüden şikessiz bir goç
hödür et. 24 Olary Rebbiň huzuryna getir,
ruhanylar üstüne duz sepip, ýakma gur-
banlygy hökmünde olary Rebbe hödür
ederler. 25 Ýedi günläp günä gurbanlygy
hökmünde her gün bir erkeç taýýarla;

şikessiz bir öküzçe bilen sürüden bir goç
taýýarla. 26 Olar gurbanlyk sypasyny ýedi
günläp murdarlygyndan saplarlar, ony
tämizläp, mukaddes ederler. 27 Ýedi gün
tamamlanandan soň, sekizinji günden
başlap, ruhanylar gurbanlyk sypasynda
ýakma we salamatlyk gurbanlyklary-
ňyzy hödür ederler. Onsoň Men sizden
razy bolaryn“». Muny Hökmürowan
Reb diýýär.

### 44-nji bap

***Ybadathana düzgünleri***

1 Onsoň ol adam meni mukaddes öýüň
gündogara tarap bakýan derwezesin-
den yzyma getirdi; derweze ýapykdy.
2 Reb maňa şeýle diýdi: «Bu derweze
ýapyk bolar, ol açylmaz, ondan hiç kim
girmez, çünki ondan Ysraýyl Hudaýy
Reb girdi; şonuň üçin ol ýapyk bolar.
3 Hökümdar bolsa hökümdardygy üçin,
Rebbiň huzurynda nahar iýmek üçin
ol ýerde oturar. Ol muňa derwezäniň
eýwanynyň ýolundan girer we şol ýol-
dan-da yzyna çykar».

4 Ol meni demirgazyk derwezäniň
ýolundan öýüň öňüne getirdi. Görsem,
Rebbiň şöhraty Öz öýüni dolduryp du-
randygyny gördüm. Men ýere ýüzin
ýykyldym. 5 Reb maňa şeýle diýdi: «Eý,
ynsan ogly! Ýagşy üns ber, öz gözleriň
bilen gör, Rebbiň öýüniň ähli düzgün-
leri we kanunlary hakda saňa aýdýan
zatlarymy öz gulagyň bilen eşit, mu-
kaddes öýe kimiň girip-çykýandygyna [a]
ýagşy üns ber. 6-7 Pitneçi ysraýyl hal-
kyna Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Eý, ysraýyl halky! Meniň öýümi
harlamak üçin sünnetsiz we boýnuýogyn
gelmişekleri içerik salmak bilen eden
ähli nejis işleriňizi bes ediň! Siz Maňa
iýmit, ýag we gan hödür edeniňizde, olar
mukaddes öýümde boldular. Siz ähli ne-
jis işleriňiziň üstesine Meniň ähtimi hem
bozduňyz. 8 Siz Meniň mukaddes zatla-
rymy goraman, gaýtam mukaddes öýümi
goraýanlar hökmünde gelmişekleri öz
başlaryna goýberdiňiz“». 9 Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Ysraýyl halkynyň
arasynda ýaşaýan gelmişeklerden hiç
bir sünnetsiz we boýnuýogyn gelmişek
Meniň mukaddes öýüme girmeli däldir.
10 Ýöne Ysraýylyň ýoldan çykan döwri
Menden aýrylyp, erbet ýola düşen, öz
butlarynyň yzyna eýeren lewiler etmiş-
leriniň jezasyny çekerler. 11 Bu lewiler
öýümiň derwezelerinde gözegçilik edip,
onda hyzmatkär bolarlar, Meniň mu-
kaddes öýümde hyzmat ederler; ýakma
gurbanlygynyň we halkyň beýleki gur-
banlyklarynyň malyny soýarlar, halkyň
hyzmatyny ýerine ýetirmek üçin olaryň
öňünde durarlar. 12 Olar ýasan butlary-
nyň öňünde ysraýyl halkyna hyzmat
etdiler, ysraýyl halkynyň ýazykly bol-
magyna sebäpkär boldular. Şonuň üçin
hem Men-Reb olaryň öz etmişleriniň
jezasyny çekjekdigine ant içdim, mu-
ny Hökmürowan Reb diýýär. 13 Olar
ruhany hökmünde Maňa gulluk etmek
üçin golaýyma gelmesinler, mukaddes
sadakalarymyň, iň mukaddes zatlaryň
hiç birine ýakynlaşmasynlar, olar diňe
öz eden nejis işleriniň utançlaryny çe-
kerler. 14 Men olary öýüň ähli hyzmaty
üçin, onda edilmeli ähli işleri goramak
üçin bellärin.

15 Emma ysraýyl halky Menden aýry-
lyp, ýoldan çykanda, mukaddes öýümi

---

[a] **44:5** ***Mukaddes öýe kimiň girip-çykýandygyna*** – ýa-da *mukaddes öýüň ähli çykalgalary bilen girelgelerine*.

goramak keşigini çeken Sadok neslinden
bolan lewi ruhanylary Maňa hyzmat et-
mek üçin ýakynlaşarlar; ýagy we gany
Maňa hödür etmek üçin huzurymda olar
durarlar. Muny Hökmürowan Reb diýýär.
16 Mukaddes öýüme diňe olar girerler,
Maňa hyzmat etmek üçin hantagtama
olar ýakynlaşarlar we öýüň goramak
keşigini olar çekerler. 17 Olar içki howly-
nyň derwezelerine nepis zygyr matadan
tikilen eşikde girerler, içki howlynyň
derwezelerinde we içerde hyzmat ed-
ýärkäler, eginlerinde ýüňden edilen eşik
bolmasyn. 18 Başlaryna zygyrdan selle
orap, eginlerine nepis zygyr matadan
tikilen içki geýimleri geýerler; derledýän
zat geýmesinler. 19 Olar halkyň ýanyna
daşky howla çykanlarynda, eginlerin-
däki eşiklerini çykaryp, olary mukaddes
otagda goýarlar; ol eşikleri bilen halka
mukaddesliklerini geçirmezlik üçin
başga eşikler geýsinler. 20 Ruhanylar
kellelerini syrmasynlar, saçlaryny uzyn
ösdürmesinler, olar saçyny diňe gyrkyp
timarlasynlar. 21 Içki howla girende, hiç
bir ruhany şerap içmeli däldir. 22 Olar
dul we talagy berlen aýala öýlenmän,
diňe Ysraýyl neslinden bolan boý gyza
ýa-da başga ruhanydan dul galan aýala
öýlensinler. 23 Meniň halkyma mukad-
des zat bilen ýönekeý zadyň, halal bilen
haramyň parhyny öwretmeli. 24 Olar da-
wada kazy hökmünde çykyş edip, Meniň
hökümlerim boýunça karar çykararlar;
ähli baýramlarymyň kada-kanunlaryny
we parzlarymy, mukaddes Sabat gü-
nümiň kanunlaryny ýerine ýetirerler.
25 Olaryň hiç biri öliniň ýanyna baryp,
özüni haram etmeli däldir; diňe ata-enesi
üçin, ogul-gyzy üçin, erkek dogany we
durmuşa çykmadyk gyz dogany üçin
özlerini haram edip bilerler. 26 Ol tä-
miz bolandan soň, onuň üçin ýedi güni
sanamalydyrlar. 27 Ol mukaddes ýerde
hyzmat etmek üçin içki howla giren güni
öz günä gurbanlygyny hödür etmelidir.
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

28 Ruhanylaryň mirasy bardyr, ol miras
Mendirin; Ysraýylda olara mülk bermäň,
olaryň mirasy Mendirin. 29 Galla sadaka-
syny, günä we ýazyk gurbanlyklaryny
olar iýerler. Ysraýylda ähli bagyş edilen
zatlar olaryňky bolar. 30 Ähli zatlaryňy-
zyň ilkinji hasyly we ähli sadakalaryňyz
ruhanylaryňky bolar. Öýüňize bereket
iner ýaly, ilkinji galladan edilen hamyry
ruhanylara beriň. 31 Guş bolsun ýa haý-
wan bolsun, parhy ýok, haram ölen ýa
parçalanan zady ruhany iýmeli däldir».

## 45-nji bap

### *Ýurduň paýlanylmagy*

1 Ýurdy mülk hökmünde bije atyp paý-
lanyňyzda, ýurtdan mukaddes bir bölek
ýeri sadaka hökmünde Rebbe beriň.
Onuň uzynlygy ýigrimi bäş müň tirsek
we ini ýigrimi müň [a] tirsek bolsun; bu
bölek tutuş töwerekleýin mukaddes bo-
lar. 2 Mukaddes öý üçin uzynlygy we ini
bäş ýüz tirsek bolan inedördül meýdan
we onuň töwereginde bolsa elli tirseklik
açyk meýdan bolar. 3 Mukaddes bölek-
den uzynlygyny ýigrimi bäş müň tirsek,
inini on müň tirsek edip bir bölegi ölçe;
bu mukaddes öý, ýagny örän mukaddes
ýer bolar. 4 Ýurduň bu mukaddes paýy
mukaddes öýde Rebbe hyzmat etmek
üçin ýakynlaşan ruhanylar üçindir. Bu
bölekde olaryň öýleri bolar we mukaddes
öý üçin mukaddes ýer bolar. 5 Uzynly-
gy ýigrimi bäş müň tirsek, ini on müň

[a] **45:1** ***Ýigrimi müň*** – käbir golýazmalarda *on müň.*

tirsek ýer bolan beýleki bölüm Hudaýyň
öýünde hyzmat edýän lewilere ýaşaýyş
şäherlerini gurmak üçin mülk bolar.
6 Mukaddes bölegiň gapdalynda şäher
mülküni belläň; onuň uzynlygy ýigri-
mi bäş müň tirsek, ini bäş müň tirsek
bolsun. Bu tutuş ysraýyl halkyna degişli
bolar. 7 Mukaddes bölege düşen paý bi-
len şähere düşen paýyň iki tarapyndaky
ýerler hökümdara berler. Ol günbatar
tarapdan günbatara, gündogar tarapdan
gündogara tarap uzalyp gidýär. Onuň
uzynlygy günbatar serhetden gündogar
serhede çenli ysraýyl tireleriniň hersiniň
paýy bilen deňdir. 8 Bu Ysraýylda hö-
kümdaryň mülki bolar. Mundan beýläk
Meniň hökümdarlarym halkyma zulum
etmezler, ýeri ysraýyl halkyna tirelerine
görä paýlarlar.

9 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Eý,
ysraýyl hökümdarlary, indi bes ediň!
Zorluk we zulumy aradan aýryp, adalaty
we dogruçyllygy berjaý ediň; halkymy
öz topragyndan kowmaň. Muny Hök-
mürowan Reb diýýär. 10 Tereziňiz dogry
bolsun, dogry agyrlyk daşyny we ölçeg
küýzesini ulanyň. 11 Agyrlyk daşy we
ölçeg küýzesi birmeňzeş bolsun. Agyr-
lyk daşy batmanyň ondan birine, ölçeg
küýzesi hem batmanyň ondan birine deň
bolup, bularyň ölçegi bir bolsun; ikisi-
niň-de ölçegi resmi ölçege görä bolsun.
12 Bir şekel ýigrimi gera[a] deň bolsun; bir
mina ýigrimi şekele, ýigrimi bäş şekele
we on bäş şekele[b] deň bolsun.

### *Sadakalar*

13 Bermeli sadakalaryňyz şulardyr:
bir batman bugdaýyň altydan biri, bir
batman arpanyň altydan biri. 14 Resmi
ölçege görä, ýag baradaky düzgün şu-
dur: her kordan[ç] üç ýarym küýze[d] ýag
bersinler. Bir kor üç ýüz elli küýzä[e]
ýa-da on batmana[ä] deňdir. 15 Özlerini
günäden saplamak üçin Ysraýylyň örü-
lerinde bakylýan sürüden iki ýüzden
bir goýny galla sadakasy, ýakma we
salamatlyk gurbanlyklary hökmünde
bersinler. Muny Hökmürowan Reb diý-
ýär. 16 Ýurduň ähli halky bu sadakalary
Ysraýyldaky hökümdara bermelidir.
17 Emma Ysraýylda ähli baýramlarda
Täze Aý baýramynda, dabaralarda, Sabat
günlerinde ýakma gurbanlygyny, galla
we içgi sadakalaryny bermek hökümda-
ryň borjudyr. Ysraýyl halkyny günäden
saplamak üçin günä gurbanlygyny, galla
sadakasyny, ýakma we salamatlyk gur-
banlyklaryny getirjek oldur».

### *Baýramlar*

18 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Bi-
rinji aýyň birine şikessiz bir öküzçe
al-da, mukaddes öýi tämizle. 19 Ruhany
bolsa günä gurbanlygynyň ganyndan
alyp, öýüň gapylarynyň söýelerine,
gurbanlyk sypasynyň diwarynyň dört
burçuna we içki howlynyň derwezeleri-
niň söýelerine çalsyn. 20 Ýalňyşlyk bilen
ýa-da bilmän günä eden adam üçin-de

---

[a] **45:12** ***Gera*** – bu ýewreýleriň agyrlyk ölçegidir. Ýigrimi gera takm. 12 gr deňdir.
[b] **45:12** ***Ýigrimi şekele, ýigrimi bäş şekele we on bäş şekele*** – bu üç ölçegiň jemi takm. 700 gr deňdir.
[ç] **45:14** ***Kor*** – bu ýewreýleriň göwrüm ölçegidir. Bir kor takm. 350 litre deňdir.
[d] **45:14** ***Üç ýarym küýze*** – ýewreýçe *batyň ondan biri*. Bu takm. 3,5 litre deňdir.
[e] **45:14** ***Üç ýüz elli küýze*** – ýewreýçe *on bat*. Bu takm. 350 litre deňdir.
[ä] **45:14** ***On batman*** – ýewreýçe *bir homer*. Bu takm. 200 kg deňdir.

aýyň ýedisine şeýle edersiňiz; şunluk-
da, öýi-de murdarlykdan saplarsyňyz.
21 Birinji aýyň on dördüne siziň üçin
Pesah baýramy ýedi günlük baýram
bolar; onda petir iýilmelidir. 22 Şol gün
hökümdar özi üçin we ýurduň halky
üçin günä gurbanlygy hökmünde bir
öküzçe hödürlär. 23 Ol baýramyň tutuş
ýedi gününde Rebbe ýakma gurbanlygy
hökmünde her gün şikessiz ýedi öküz-
çe bilen ýedi goç we günä gurbanlygy
üçin her gün bir erkeç hödürlär. 24 Galla
sadakasy hökmünde berlen öküz üçin
hem, goç üçin hem bir batman bugdaý
we her batman üçin hem dört küýze [a]
ýag taýýarlar. 25 Ýedinji aýyň on bäşine
baýramyň başyndan tä ahyryna çenli
ýedi günläp hökümdar günä we ýakma
gurbanlyklaryny, galla sadakasyny we
zeýtun ýagyny şol bir mukdarda hödür
etmelidir».

## 46-njy bap

1 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Iç-
ki howlynyň gündogara tarap bakýan
derwezesi alty iş güni ýapyk bolar. Ol
diňe Sabat güni we Täze Aýyň ilkin-
ji güni açylar. 2 Hökümdar daşardan
derweze eýwanynyň üsti bilen içerik
girip, gapynyň söýesiniň ýanynda durar.
Onuň ýakma we salamatlyk gurban-
lyklaryny ruhanylar hödür ederler; ol
bosagada sežde edenden soň, daşary
çykar, ýöne derweze agşama çenli açyk
bolar 3 Sabat günlerinde we aýyň baş-
larynda ýurduň halky bu derwezäniň
girelgesinde Rebbiň huzurynda sežde
eder. 4 Hökümdaryň Sabat güni Rebbe
hödür etmeli ýakma gurbanlygy şikes-
siz alty tokly we bir goç bolar. 5 Ol goç
bilen berilmeli galla sadakasy üçin bir
batman bugdaý bersin, guzular bilen
berilmeli galla sadakasyny öz göwün
islegine görä hödür etsin we her bat-
man üçin dört küýze ýag berer. 6 Aýyň
ilkinji güni bir öküzçe, alty tokly we
bir goç hödür eder; bular şikesli bol-
maly däldirler. 7 Öküzçe we goç bilen
berilmeli galla sadakasy üçin hersine
bir batman bugdaý bersin, guzular bilen
berilmeli galla sadakasyny öz göwün
islegine görä hödür etsin we her batman
üçin dört küýze ýag bersin. 8 Hoküm-
dar içeri girende, eýwanyň üsti bilen
girip, şol ýol bilen hem yzyna çyksyn.
9 Ýurduň halky baýramlarda Rebbiň
huzuryna gelende, sežde etmek üçin
demirgazykdaky derwezeden giren
günortadaky derwezeden çykmalydyr;
şeýle hem, günortadaky derwezeden
giren demirgazykdaky derwezeden
çykmalydyr, ýagny giren derwezesin-
den öwrülmän, onuň garşysyndakydan
çykmalydyr. 10 Girenlerinde, hökümdar
olaryň ortasynda bolmalydyr we olar
bilen bile girmelidir; çykanlarynda-da
bile çykmalydyr.

11 Baýramlarda we dabaralarda öküzçe
we goç bilen berilmeli galla sadakasy
üçin hersine bir batman bugdaý berilsin,
guzular bilen berilmeli galla sadakasy öz
göwün isleglerine görä hödür edilsin we
her batman üçin dört küýze ýag berilsin.
12 Hökümdar meýletin sadaka, ýagny
ýakma ýa-da salamatlyk gurbanlyklary
hökmünde Rebbe meýletin sadaka hödür
edende, oňa gündogara tarap bakýan
derweze açylmalydyr. Ol özüniň ýak-
ma ýa-da salamatlyk gurbanlygyny edil
Sabat güni edişi ýaly hödürlär. Onsoň
daşary çykar we çykanyndan soň der-
weze ýapylar.

[a] **45:24** ***Dört küýze*** – ýewreýçe *bir hin*. Bu takm. 4 litre deňdir.

13 Rebbe ýakma gurbanlygy hökmünde
her gün hiç bir şikessiz tokly taýýarlaň;
ony her gün ertirine hödür ediň. 14 Şeýle
hem onuň bilen her gün ertirine batma-
nyň altydan biri möçberinde saýlama un
bilen, ony garmak üçin bir ýarym küýze [b]
ýag bilen galla sadakasyny hödür ediň.
Bu ebedi düzgünler boýunça Rebbe he-
mişelik galla sadakasydyr. 15 Gündelik
ýakma gurbanlygy hökmünde her gün
ertirine tokly, galla sadakasy we ýag
hödürlensin».

### *Hökümdaryň mülki baradaky kanunlar*

16 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Eger hökümdar öz ogullaryndan birine
bir zat peşgeş berse, bu onuň öz mirasy
bolar. Bu hökümdaryň agtyklarynyňky
bolar; bu olara miras ýeten mülkdür.
17 Eger-de öz mülküni gullarynyň bi-
rine peşgeş berse, ol azatlyk ýylyna
çenli onuňky bolar; onsoň ol muny hö-
kümdara yzyna gaýtarmalydyr; emma
hökümdaryň mülki öz ogullarynyňky
bolar. 18 Hökümdar halkyň mirasyndan
alyp, olary mülklerinden mahrum et-
meli däldir; Meniň halkymdan hiç bir
kişi mülkünden kowulmaz ýaly, her
kim ogullaryna öz mülkünden miras
bermelidir».

### *Ybadathananyň aşhanalary*

19 Ýaňky adam meni derwezäniň
gapdalyndaky girelgeden ruhanylaryň
demirgazyga tarap bakýan mukaddes
otaglaryna getirdi. Ine, ol maňa otag-
laryň günbatarynda bir ýer görkezdi.
20 Ol maňa: «Bu ýer ruhanylaryň ýazyk
hem günä gurbanlyklaryny gaýnadýan
we galla sadakasyny bişirýän ýeridir.
Şoňa görä olar daşky howla çykmazlar
we halka öz mukaddesliklerini geçir-
mezler» diýdi.
21 Onsoň ol meni daşky howla çyka-
ryp, howlynyň dört burçundan geçirdi;
howlynyň her burçunda bir howly bardy.
22 Howlynyň dört burçunda uzynlygy
kyrk tirsek, ini otuz tirsek bolan ýapyk
howlular bardy; bularyň dördüsiniň-de
ölçegi birdi. 23 Olaryň dördüsiniň-de
daşy diwarlydy; töwerekleýin diwarla-
ryň düýbünde bolsa ojaklar bardy. 24 Ol
maňa: «Bular biş-düş jaýlarydyr. Öýüň
hyzmatkärleri halkyň gurbanlyklaryny
bu ýerde bişirerler» diýdi.

## 47-nji bap

### *Hudaýyň öýünden çykýan gözbaş*

1 Soňra ol adam meni öwrüp, Hudaýyň
öýüniň girelgesine getirdi. Öýüň bosaga-
synyň aşagyndan gündogara tarap suw
akýardy. Öý gündogara tarap bakýardy.
Suw öýüň sag tarapyndan, gurbanlyk sy-
pasynyň günortasyndan inýärdi. 2 Soňra
ol meni demirgazyk derwezesiniň ýoly
bilen ýüzi gündogara bakyp duran daş-
ky derwezä alyp geldi, suwlar daşky
derwezäniň günorta tarapyna akýardy.
3 Ýaňky adam eli ölçeg ýüpli gündogara
tarap çykanda, müň tirsek ölçäp, meni
suwdan geçirdi; suw topuga çykýardy.
4 Ýene müň tirsek ölçäp, meni suwdan
geçirdi; suw dyza çykýardy; ýene müň
tirsek ölçäp, meni suwdan geçirdi; suw
bile çykýardy. 5 Ol ýene müň tirsek öl-
çedi; suw bir derýa boldy. Suw ýokary
göterilendigi sebäpli men onuň içinden
geçip bilmedim. Ondan ýüzüp geçäý-
meseň, ýöräp geçip boljak däldi. 6 Ol
maňa: «Gördüňmi, eý, ynsan ogly?»

[a] **46:14** ***Bir ýarym küýze*** – ýewreýçe *hiniň üçden biri*. Bu takm. 1,5 litre deňdir.

diýdi. Onsoň meni derýanyň kenaryna
öwrüp getirdi. 7Öwrülip gelenimde, ine,
derýanyň kenarynyň her ýan tarapynda
köp agaçlar bardy. 8Ol maňa şeýle diýdi:
«Bu suwlar gündogardaky ülkelere tarap
akýar we Iordan deresine inip, deňze
guýanda, deňziň ýata suwlary süýji su-
wa öwrüler. 9Bu şeýle bolar: derýanyň
akyp baran ýerlerinde dürli-dümen suw
jandarlarynyň ählisi diri galar. Ol ýer-
de balyk köp bolar, bu suwlar ol ýere
akyp barar. Olar tämizlenip, derýanyň
akyp baran ýerindäkileriň bary diri
galar. 10Deňziň kenarynda balykçylar
durarlar; tor taşlanan ýer Eýngediden
Eýneglaýyma çenli bolar. Olaryň balyk-
lary dürli-dürlülikde Ortaýer deňziniň
balyklary kimin gaty köp bolar. 11Ýö-
ne onuň palçyk we batgalyk ýerleri
tämizlenmez; olar duz üçin galdyrylar.
12Derýanyň boýunda, onuň ýakasynyň
ikiýan tarapynda her hili miweli agaç-
lar gögerer. Suwlaryň mukaddes öýden
çykýandygy sebäpli olaryň ýapraklary
solmaz, miweleri tükenmez; her aý täze
miwe bererler. Olaryň miweleri iýmit,
ýapraklary derman bolar».

### *Ýurduň täze araçäkleri*

13Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ýurdy mülk hökmünde Ysraýylyň on
iki tiresine görä böleniňizde, araçäk
şu bolmalydyr: Ýusubyň nesli iki paý
alar. 14Ýurdy siz on iki tiräniň arasynda
deň paýlaň. Men ony ata-babalaryňyza
bermegi ant içdim. Bu ýurt size mülk
edilip berler.
15Ýurduň araçägi şu bolar: demirgazyk
tarapy Ortaýer deňzinden Hetlon ýoly
bilen Lebohamada we Sedada çenli
gelýär. 16Ol Berota we Damask bilen
Hamadyň araçäginde ýerleşýän Sibra-
ýyma, şeýle-de Hawranyň araçägindäki
Haserhattikona çenli uzalýar. 17Araçäk
deňizden Damask araçägindäki Hasa-
reýnona çenli baryp, Hamadyň araçägi
bilen demirgazyga tarap uzalýar. Bu
demirgazyk tarapydyr.
18Gündogar tarapy Hawran bilen Da-
maskyň arasyndaky Gilgady Ysraýyldan
aýyrýan Iordan derýasy boýunça uza-
lyp gidýär. Mundan gündogar deňzine
gelip, Tamara çenli ölçäň. Bu gündogar
tarapydyr.
19Günorta tarapy Tamardan Meriba-
kadeş çeşmesine çenli bolup, Müsür
derýasyndan Ortaýer deňzine baryp
ýeter. Bu günorta tarapydyr.
20Günbatar tarapy Lebohamadyň gar-
şysyndaky nokada çenli bolan Ortaýer
deňzi bolar. Bu günbatar tarapydyr.
21Bu ýurdy öz araňyzda Ysraýyl tirele-
rine görä paýlap beriň. 22Siz bije boýunça
ýurdy özüňize, içiňizde ýaşaýan gel-
mişeklere we olaryň araňyzda doglan
çagalaryna mülk hökmünde paýlaň. Ol
gelmişekler siziň üçin asly ysraýylly ha-
saplanmalydyrlar. Olar hem bije boýunça
ysraýyl tireleriniň arasynda siziň bilen
deň mülk edinerler. 23Gelmişekler haýsy
tiräniň arasynda ýaşaýan bolsa, şol tire
hem olara mülk hökmünde paý bölüp
berer». Muny Hökmürowan Reb diýýär.

## 48-nji bap

### *Ýurduň tirelere paýlanylyşy*

1Tireleriň atlary şulardyr:
Dan tiresine bir paý berler. Onuň paýy
demirgazyk araçäkden başlap, Hetlon
ýolunyň ugry bilen Lebohamatdan Ha-
sareýnana çenli, gündogardan günbatara
tarap uzalar. Ol paý Damask araçäginde
bolup, onuň demirgazygynda Hamat
ýerleşýär. 2Aşer tiresine bir paý berler.
Olaryň araçägi dan tiresiniň gündogardan

günbatara uzalýan araçägi bilen birleşer.
[3]Naftaly tiresine bir paý berler. Onuň ara-
çägi aşer tiresiniň gündogardan günbatara
uzalýan araçägi bilen birleşer. [4]Manaşa
tiresine bir paý berler. Onuň araçägi
naftaly tiresiniň gündogardan günbatara
uzalýan araçägi bilen birleşer. [5]Efraýym
tiresine bir paý berler. Onuň araçägi ma-
naşa tiresiniň gündogardan günbatara
uzalýan araçägi bilen birleşer. [6]Ruben
tiresine bir paý berler. Onuň araçägi ef-
raýym tiresiniň gündogardan günbatara
uzalýan araçägi bilen birleşer. [7]Ýahuda
tiresine bir paý berler. Onuň araçägi ruben
tiresiniň gündogardan günbatara uzalýan
araçägi bilen birleşer.

[8]Ýahuda tiresiniň gündogardan gün-
batara çenli uzalýan ýerleri sadaka
hökmünde Men–Rebbe berler. Onuň ini
ýigrimi bäş müň tirsek bolup, uzynlygy
gündogardan günbatara çenli paýlanan
her bir tiräniň mülküne deň bolsun;
mukaddes öý onuň ortasynda bolar. [9]Bu
ýeriň bir bölegi iň mukaddes paý bolar.
Onuň uzynlygy ýigrimi bäş müň we ini
ýigrimi müň[a] tirsek bolar. [10]Bu ýeriň
bir bölegi ruhanylara paý bolar; onuň
demirgazyga tarap uzynlygy ýigrimi
bäş müň tirsek, günbatara we gündo-
gara tarap ini on müň, günorta tarap
uzynlygy ýigrimi bäş müň tirsek bolar.
Rebbiň mukaddes öýi onuň ortasynda
bolar. [11]Bu paý Maňa ruhanyçylyga
bagyş edilen Sadok nesilleri üçindir.
Olar öýümiň goramak keşigini çek-
diler. Ysraýyl halky ýoldan çykanda,
lewiler hem ýoldan çykdylar, emma
Sadok nesilleri Maňa wepaly boldular.
[12]Ýurdy mülk hökmünde böleniňizde,
Lewileriň araçäginiň ýanyndan bu ýeri
ruhanylara ber; ol iň mukaddes paý bolar.
[13]Lewileriň paýy bolsa ruhanylaryň
araçäginiň garşysynda bolup, uzynly-
gy ýigrimi bäş müň, ini on müň tirsek
bolar. Tutuş uzynlygy ýigrimi bäş müň,
ini on müň tirsek bolar. [14]Lewiler ol ýeri
satmazlar ýa-da başga ýere çalyşmazlar.
Bu ýurduň iň oňat paý ýeridir, ol başga
birine geçmez, çünki bu ýer Men–Rebbe
bagyş edilendir.

[15]Ini bäş müň, uzynlygy ýigrimi bäş
müň tirsek bolan artyp galan ýer ýaşa-
mak we açyk meýdan hökmünde şäher
üçin umumy ýer bolar. Şäher onuň or-
tasynda ýerleşer. [16]Onuň ölçegi şeýle
bolar: demirgazyk, günorta, gündogar
we günbatar taraplaryň her biri dört müň
bäş ýüz tirsege deň bolar. [17]Şäheriň açyk
meýdanlary bolar: olar demirgazyga,
günorta, gündogara we günbatara tarap
iki ýüz elli tirsek ölçegde bolar. [18]Mu-
kaddes paýyň araçäginde artyp galan
ýeriň gündogar tarapy hem, günbatar
tarapy hem on müň tirsek bolar; ol mu-
kaddes paýyň gapdalynda ýerleşer. Onuň
hasyly şäheriň işçileri üçin iýmit bolar.
[19]Ol ýeri Ysraýylyň ähli tirelerinden
bolan şäher ilaty ekip bejerer. [20]Siziň
sadaka hökmünde Men–Rebbe goýan
tutuş paýyňyz dörtburçluk şekilinde
bolup, her tarapy ýigrimi bäş müň tirsek
bolar; mukaddes paýy şäheriň mülki
bilen birlikde sadaka hökmünde berer-
siňiz. [21]Şäheriň mülki bilen mukaddes
paýyň her ýanyndan artyp galan ýer hö-
kümdaryňky bolar. Bu ýerler mukaddes
paýa düşen ýigrimi bäş müň tirseklik
bölegiň gündogaryndan we günbata-
ryndan ýurduň gündogar we günbatar
araçäklerine tarap uzalar. Tirelere düşen
paýlar boýunça uzalýan bu iki bölek
hökümdaryňky bolar. Hudaýyň öýüniň

[a] **48:9** ***Ýigrimi müň*** – käbir golýazmalarda *on müň.*

mukaddes ýeri bilen mukaddes paýy
onuň ortasynda bolmalydyr. 22 Lewilere
düşen paý bilen şähere düşen paý hö-
kümdara berlen ýerleriň ortasynda galar.
Hökümdara beriljek ýerler ýahuda tiresi
bilen benýamin tiresiniň araçäkleriniň
arasynda bolar.

23 Galan tirelere düşen ýer paýlary:
benýamin tiresine bir paý berler. Onuň
araçägi gündogardan günbatara çenli
uzalyp gider. 24 Şimgon tiresine bir paý
berler. Onuň araçägi benýamin tiresiniň
gündogardan günbatara uzalýan araçägi
bilen birleşer. 25 Ysakar tiresine bir paý
berler. Onuň araçägi şimgon tiresiniň
gündogardan günbatara uzalýan araçägi
bilen birleşer. 26 Zebulun tiresine bir paý
berler. Onuň araçägi ysakar tiresiniň
gündogardan günbatara uzalýan araçä-
gi bilen birleşer. 27 Gat tiresine bir paý
berler. Onuň araçägi zebulun tiresiniň
gündogardan günbatara uzalýan araçägi
bilen birleşer. 28 Gat tiresiniň gündogar
araçägi Tamardan gündogara, ol ýerden
hem Meribakadeş çeşmesine çenli we
Müsür derýasyndan Ortaýer deňzine
çenli uzalar. 29 Mülk hökmünde ysraýyl
tireleriniň arasynda paýlamaly ýurduňyz
şudur, bular olaryň paýlary bolar. Muny
Hökmürowan Reb diýýär.

30-31 Şäheriň çykalgalary şular bolup,
olar şäheriň ysraýyl tireleriniň atla-
ryna görä atlandyrylar. Dört müň bäş
ýüz tirsek uzynlykda demirgazyk ta-
rapynyň üç derwezesi bolar: Ruben
derwezesi, Ýahuda derwezesi, Lewi
derwezesi. 32 Dört müň bäş ýüz tirsek
uzynlykda gündogar tarapynyň hem
üç derwezesi bolar: Ýusup derwezesi,
Benýamin derwezesi, Dan derwezesi.
33 Dört müň bäş ýüz tirsek uzynlykda
günorta tarapynyň üç derwezesi bolar:
Şimgon derwezesi, Ysakar derwezesi,
Zebulun derwezesi. 34 Dört müň bäş ýüz
tirsek uzynlykda günbatar tarapynyň üç
derwezesi bolar: Gat derwezesi, Aşer
derwezesi, Naftaly derwezesi. 35 Şähe-
riň tutuş töweregi on sekiz müň tirsek
bolar. Şol günden başlap, şäheriň ady
«Reb ol ýerdedir» bolar.

# Danyýel pygamberiň kitaby

## Giriş

*Danyýel pygamberiň kitaby* ýahudy halkynyň keseki patyşa tarapyndan sütemlere we yzarlanmalara sezewar edilen döwründe ýazylandyr. Pygamber taryhy wakalary we gören görnüşlerini ulanyp, öz döwürdeşlerine umytdan düşmezligi ündeýär. Ol Hudaýyň zalym patyşany tagtdan syndyryp, Öz halkynyň garaşsyzlygyny dikeltjekdigini aýdýar.

Kitap iki bölümden ybarat. Birinji bölümde Danyýel pygamber we onuň sürgün döwründäki dostlary barada gürrüň berilýär. Ol öz dostlary bilen ýeke-täk diri Hudaýa bolan imanlary we tabynlyklary arkaly öz duşmanlaryndan üstün çykýar. Bu wakalar Babyl we Pars şalyklarynyň bolan döwründe bolup geçýär.

Kitabyň ikinji bölüminde Danyýel pygamberiň gören görnüşleri beýan edilýär. Pygamber bu görnüşlerde Babyl we beýleki güýçli şalyklaryň ilki güýçlenip, soňra synjakdygyny, imansyz sütemkärleriň ýok ediljekdigini we Hudaýyň halkynyň üstün çykjakdygyny aňladýan alamatlary görýär. Şeýle-de bu bölümde ahyrzaman baradaky pygamberlikler beýan edilýär. Bu pygamberlikler özboluşlydyr, sebäbi olar islendik döwrüň okyjysyna örän ýakyn, ýagny tizara berjaý boljak pygamberlik ýaly görünýär. Kitabyň esasy pikiri «Ynsan patyşalygynyň üstünden Beýik Hudaý höküm sürýär» (5:21) diýen aýatda jemlenendir. Danyýel pygamberiň gören görnüşleriniň hemmesi Hudaýyň hökmürowanlygynyň dünýä şalyklaryndan üstündigini habar berýär.

***Mazmuny***


Danyýel pygamber we onuň dostlary............................................*1:1–6:28*
Danyýel pygamberiň gören görnüşleri..........................................*7:1–12:13*
Dört jandar hakyndaky görnüş .................................................... *7:1-28*
Goç we erkeç hakyndaky görnüş ...............................................*8:1–9:27*
Asmandan inen ilçi ................................................................ *10:1–11:45*
Ahyrzaman..................................................................................*12:1-13*

## 1-nji bap

### *Dört ysraýyl ýigidi Babyl köşgünde*

1 Ýahuda patyşasy Ýehoýakymyň pa-
tyşalygynyň üçünji ýylynda Babyl
patyşasy Nebukadnesar öz goşuny bilen
Iýerusalime hüjüm edip, onuň daş-tö-
weregini gabady. 2 Taňry Ýahudanyň
patyşasy Ýehoýakymy hem-de Hudaýyň
ybadathanasyndaky gap-gaçlaryň bir
bölegini onuň golastyna berdi. Nebu-
kadnesar ol zatlary Şingara getirdi. Ol
Hudaýyň ybadathanasyndan getirilen
gap-gaçlary öz hudaýlarynyň buthana-
syndaky gaznasynda goýdy [a].
3 Soňra Nebukadnesar özüniň baş
gözegçisi Aşpenaza ysraýyllaryň ara-
syndan patyşanyň we han-begleriň
maşgalasyndan bolan ýigitleriň birnäçe-
sini getirmegi buýurdy. 4 Bu ýaş ýigitler
bedenleri hiç hili şikessiz, görmegeý, her
bir ylymdan baş çykarýan, bilimli, öw-
renmäge ukyply we patyşanyň köşgünde
hyzmat etmäge mynasyp bolmalydylar.
Olara babyllylaryň edebiýaty we di-
li öwredilmelidi. 5 Patyşa öz gündelik
köşk saçagyndan olara bir paý nahar
we şerap bölüp berdi. Olar üç ýyl oka-
dylyp, üçünji ýylyň ahyrynda patyşanyň
huzurynda hyzmat etmäge getirilmeli-
diler. 6 Saýlananlaryň arasynda ýahuda
tiresinden Danyýel, Hananýa, Mişaýyl
we Azarýa bardy. 7 Baş gözegçi olaryň
adyny üýtgetdi. Danyýele Belteşasar,
Hananýa Şadrak, Mişaýyla Meýşak,
Azarýa Abednego diýip at goýdy.
8 Danyýel özüni haram etmezligi
ýüregine düwdi. Şeýdip, ol baş gözeg-
çiden özüniň patyşanyň saçagyndan
bölüp berilýän nahardan, şerapdan
saklanmagyny haýyş etdi. 9 Baş gö-
zegçiniň nazarynda Hudaý Danyýele
merhemet we rehim-şepagat berdi. 10 Baş
gözegçi Danyýele: «Men onuň alyhez-
retleri patyşadan gorkýaryn. Ol siziň
nahar we içgi paýyňyzy bölüp berdi
ahyryn. Eger siziň ýüzüňiziň özüňiz
bilen deň bolan beýleki ýaş ýigitle-
riňkiden hordygyny görse, ol janymy
jähenneme iberer» diýdi.
11 Soňra Danyýel baş gözegçiniň
özüniň, Hananýanyň, Mişaýylyň we
Azarýanyň üstünden goýan sakçysyndan
haýyş edip, şeýle diýdi: 12 «Öz gulla-
ryňy on gün synap göräý. Goý, bize
iýmek üçin gök-önümler, içmek üçin
bolsa suw berilsin. 13 Şundan soň sen
biziň ýüzümizi köşk saçagyndan iýýän
beýleki ýigitleriň ýüzi bilen deňeşdirip
bilersiň we öz gullaryňa näme etmegi
isleseň, gözel göwnüň». 14 Şeýdip, sakçy
bu pikir bilen ylalaşyp, olary on gün
synap gördi.
15 On günden soň bu dört ýigit köşk
saçagyndan naharlanýanlaryň hem-
mesinden has görmegeý we daýaw
göründiler. 16 Şeýdip, sakçy olaryň köşk
saçagyndan iýmeli naharyny, içmeli
şerabyny özüne alyp galyp, olara diňe
gök-önümler berdi.
17 Hudaý bu dört ýigide edebiýatyň we
ylmyň her bir ugruny öwrenmäge bilim
bilen ukyp berdi. Danyýel her bir gör-
len düýşi we görnüşleri ýorup bilýärdi.
18 Patyşanyň olary getirmegi buýran
möhleti gelip ýetende, baş gözegçi olary
Nebukadnesaryň huzuryna getirdi. 19 Pa-
tyşa olaryň ählisi bilen tanyşdy. Olaryň
hemmesiniň içinde Danyýel, Hananýa,
Mişaýyl we Azarýa dagy bilen deňeş-
direr ýalysy tapylmady. Şonuň üçin

[a] **1:2** Seret: 2Pat 24:1-4; 2ÝÝ 36:6-7.

patyşanyň hyzmatyna olar bellendiler.
[20]Patyşa her bir ylym ýa-da düşünje bi-
len baglanyşykly mesele hakda soranda,
öz patyşalygyndaky ähli jadygöýlerdir
palçylardan olaryň on esse artykdygy-
ny gördi.

[21]Kureş patyşanyň şalygynyň birinji
ýylyna çenli Danyýel şol ýerde köşkde
hyzmat etdi.

## 2-nji bap

### *Nebukadnesaryň düýşi*

[1]Nebukadnesar özüniň patyşalygynyň
ikinji ýylynda bir düýş gördi. Muňa onuň
ýüregi howsala düşüp, ukusy gaçdy.
[2]Onsoň patyşa düýşüni ýordurmak üçin
jadygöýleri, palçylary, gözbagçylary we
müneçjimleri toplap getirmegi buýur-
dy. Olar gelip, patyşanyň huzurynda
durdular. [3]Patyşa olara: «Men bir düýş
gördüm. Düýşüň ýorgudyny bilmek
islegi ýüregimi howsala salýar» diýdi.
[4]Müneçjimler arameý dilinde patyşa
ýüzlenip: «Patyşa baky ýaşasyn! Gören
düýşüňizi öz gullaryňa aýt, biz onuň
näme aňladýandygyny ýorup bereli»
diýdiler. [5]Patyşa müneçjimlere şeýle
jogap berdi: «Men şeýle karara gel-
dim: eger-de siz meniň gören düýşümi
we onuň ýorgudyny aýdyp bermeseňiz,
siziň el-aýaklaryňyzy çapyp, öýleriňizi
weýran etdirerin. [6]Emma siz maňa gö-
ren düýşümi we onuň ýorgudyny aýdyp
berseňiz, onda siz menden sowgatlar
we sylag-serpaýlar alyp, beýik hormata
mynasyp bolarsyňyz. Şonuň üçin hem
maňa gören düýşümi we onuň ýorgudyny
aýdyp beriň». [7]Olar oňa ýene-de: «Ilki
bilen, goý, patyşamyz öz gullaryna gören
düýşüni aýtsyn, biz hem onuň ýorgudyny
aýdaly» diýip jogap berdiler. [8]Patyşa:
«Meniň kararymyň çynlakaýdygyny
görüp, siziň wagt utmak isleýändigiňi-
zi anyk bilýärin. [9]Eger siz maňa gören
düýşümi aýdyp bermeseňiz, size ýe-
ke-täk bir höküm garaşýandyr. Wagtyň
geçmegi bilen siz meniň pikirim üýtgär
öýdüp, maňa ýalan we biderek zatlar
aýtmak üçin öz araňyzda dilleşipsiňiz.
Şoňa görä-de gören düýşümi maňa siziň
özüňiz aýdyp berersiňiz. Şonda siziň
onuň ýorgudyny aýdyp biljekdigiňize
gözüm ýeter» diýdi.

[10]Müneçjimlere patyşa şeýle diýdiler:
«Ýer ýüzünde seniň edýän bu talabyňyň
hötdesinden hiç kim gelip bilmez! Dog-
rusy, munuň ýaly işi beýik we güýçli
patyşalaryň hiç biri-de jadygöýden ýa
palçydan, ýa-da müneçjimden soraman-
dyr. [11]Patyşanyň soraýan bu işi juda agyr.
Muny hudaýlardan başga hiç kim patyşa
äşgär edip bilmez, olaryň bolsa mesgeni
ynsanlar arasynda däldir».

[12]Patyşa muny eşidip, gazap atyna
atlandy. Ol Babylyň ähli akyldarlary-
ny öldürmegi buýurdy. [13]Akyldarlaryň
hemmesiniň öldürilmelidigi barada
perman çykdy. Olar Danyýeli we onuň
ýoldaşlaryny hem öldürmek üçin, olaryň
gözlegine çykdylar.

[14]Patyşanyň janpenalarynyň başlygy
Arýok Babylyň akyldarlaryny öldürmäge
çykanda, Danyýel oňa akylly-başly hem
parasatlylyk bilen sala saldy. [15]Ol köşk
emeldary Arýokdan: «Näme üçin paty-
şanyň permany beýle gazaply?» diýip
sorady. Arýok bolan wakany Danyýele
düşündirdi. [16]Şonda Danyýel içeri girip,
patyşanyň düýşüniň ýorgudyny aýtmak
üçin özüne wagt berilmegini haýyş etdi.

[17]Onsoň Danyýel öýüne baryp, bu ah-
walaty ýoldaşlary Hananýa, Mişaýyla we
Azarýa habar berdi. [18]Bu syryň açylmagy
üçin Gögüň Hudaýyndan rehim-şepagat
sorap dileg etmeklerini Danyýel olardan

haýyş etdi. Şonda Danyýel we onuň
ýoldaşlary Babylyň akyldarlary bilen
birlikde heläk boljak däldiler.
19 Soňra bu syr Danyýele gijeki gör-
nüş arkaly aýan boldy. Danyýel Gögüň
Hudaýyna alkyş aýtdy. 20 Ol şeýle diýdi:

«Owaldan ebedä çenli Hudaýyň
adyna alkyş ýagsyn,
çünki paýhas we gudrat Oňa
mahsusdyr.
21 Döwri we pasyllary üýtgedýän
Oldur.
Patyşalary tagtdan agdaryp,
tagta çykarýar.
Ol akyldara pähim-paýhas,
düşünjelä bilim berýär.
22 Çuň we gizlin syrlary Ol açýar,
tümlükde näme bolýanyny Ol
bilýär,
Onuň Özi nurda ýaşaýar.
23 Eý, ata-babalarymyň Hudaýy!
Saňa şöhrat we öwgi bolsun!
Çünki maňa paýhas we gudrat
berdiň,
Senden dilän dilegimizi maňa
aýan etdiň,
patyşanyň buýran zadyny bize
açyp berdiň».

### *Danyýel patyşanyň düýşüni ýorýar*

24 Soňra Danyýel patyşanyň Babylyň
akyldarlaryny öldürmek üçin bellän
adamy Arýogyň ýanyna bardy. Danyýel
oňa: «Babylyň akyldarlaryna degme.
Meni patyşanyň huzuryna elt, men onuň
gören düýşüni ýorup berjek» diýdi. 25 Ar-
ýok ony derrew patyşanyň huzuryna
eltip: «Patyşahym, Ýahudadan ýesir
edip getirilenleriň arasyndan siziň gören
düýşüňizi ýorup biljek bir adam tap-
dym» diýdi. 26 Patyşa Belteşasar diýlip
atlandyrylan Danyýelden: «Sen maňa
nähili düýş görenimi aýdyp, ony ýorup
bilersiňmi?» diýip sorady. 27 Danyýel
patyşa: «Patyşanyň soraýan bu syryny
hiç bir akyldar-da, palçy-da, jadygöý-de,
bilgiç-de açyp bilmez. 28 Emma göklerde
gizlin syrlary açýan Hudaý bar. Ahyrky
günlerde näme boljagyny Nebukadnesar
patyşa Ol bildirdi. Ýatyrkaň düýşüňde
gören görnüşleriň şular bolmaly:
29 Eý, patyşahym, sen ýatyrkaň hy-
ýalyňa mundan soňra nämeler bolarka
diýen pikir geldi we syrlary aýan edýän
Hudaý muny saňa äşgär etdi. 30 Maňa
bolsa bu syr başga adamlardan has akyl-
lydygym üçin açylman, eýsem munuň
ýorgudy patyşa aýan edilsin, ol hem öz
ýüregindäki pikirlere düşünsin diýlip
aýan boldy.
31 Eý, patyşahym, ine, sen düýşüňde
beýik bir heýkel gördüň. Ol heýkel şeýle
äpetdi, şöhle saçýardy. Ol seniň öňüňde
durdy we onuň daş görnüşi gorkunçdy.
32 Heýkeliň kellesi sap altyndan, döşi bi-
len gollary kümüşden, bili bilen butlary
bürünçdendi. 33 Baldyrlary demirdendi,
aýaklarynyň ýarysy demirden, ýarysy
hem toýundandy. 34 Sen seredip durkaň,
ynsan eli degmezden bir daş gopup gaçdy,
ol heýkeliň demirden we toýundan bolan
aýaklaryna uruldy-da, olary çym-pyt-
rak etdi. 35 Soňra demir, toýun, bürünç,
kümüş we altyn harman jaýdaky saman
ýaly kül-peýekun boldular. Şemal ola-
ry pytradyp taşlanda, olaryň yzy-sory
galmady. Emma heýkele urlan daş beýik
daga öwrülip, bütin ýer ýüzüni doldurdy.
36 Görlen düýş, ine, şudur. Indi bolsa biz
ony patyşa ýorup bereli. 37 Eý, siziň aly-
hezretiňiz, siz şalaryň şasysyňyz. Gögüň
Hudaýy saňa şalyk, güýç, gudrat we şöh-
rat berdi. 38 Ähli ýerde ýaşaýan ynsanlary,
ýabany haýwanlary, gökdäki guşlary
seniň ygtyýaryňa tabşyrdy. Olaryň hem-
mesiniň üstünden seni hökümdar goýdy.

Sap altyndan bolan kelle bu sensiň! 39 Se-
niň patyşalygyňdan soňra seniňkiden pes
bolan başga bir patyşalyk peýda bolar.
Soňra tutuş ýer ýüzüne hökümdarlyk
etjek üçünji bir bürünç patyşalyk geler.
40 Dördünji patyşalyk demir ýaly güýçli
bolar, çünki demriň ähli zady mynjyrady-
şy ýaly, ol hem bularyň hemmesini gyryp
tükeder. 41 Aýaklaryň we barmaklaryň
ýarysynyň toýundan, ýarysynyň bolsa
demirdendigini gördüň. Bu bolsa bölünen
patyşalygy aňladýar. Demriň toýun bilen
garylandygyny görşüň ýaly, onda biraz
demriň güýji bolar. 42 Aýaklaryň barmak-
larynyň ýarysynyň demirden, ýarysynyň
hem toýundan bolmagy, bu patyşalygyň
bir bölegininiň güýçli, bir bölegininiň bolsa
ejiz boljakdygyny aňladýar. 43 Görşüň
ýaly, demriň toýun bilen garylmagy halk-
laryň gyz alşyp-berşip, biri-birleri bilen
garyşjakdyklaryny aňladýar. Emma dem-
riň toýun bilen garylyp bilmeýşi ýaly, olar
hem biri-birleri bilen garyşyp bilmezler.

44 Şol patyşalaryň döwründe Gögüň
Hudaýy hiç wagt dargadylmajak, başga
halkyň eline geçmejek bir patyşalyk gu-
rar. Bu patyşalyk beýleki patyşalyklaryň
ählisini ýok edip, olaryň soňuna çykar,
özi bolsa ebedilik galar. 45 Seniň özüňiň
görşüň ýaly, adam eli degmezden dagdan
gopan daş demri, bürünji, toýny, kümşi
we altyny çym-pytrak etdi. Beýik Hudaý
mundan soň nämeleriň boljagyny patyşa
aýan etdi. Bu düýş dogrudyr we onuň
ýorgudy-da hakykatdyr!»

46 Soňra Nebukadnesar patyşa ýere
ýüzin düşüp, Danyýele tagzym etdi.
Oňa galla sadakasyny we ýakymly ys-
ly tütetgi hödür etmeklerini buýurdy.
47 Patyşa Danyýele: «Sen bu syry açyp
bildiň. Hakykatdan-da, seniň Hudaýyň
hudaýlaryň Hudaýy, patyşalaryň Taň-
rysy we syrlary aýan edýän Hudaýdyr»
diýdi. 48 Soňra patyşa Danyýele ýokary
wezipe berdi, oňa köp gymmatbaha
sowgatlar etdi. Ony tutuş Babyl wela-
ýatyna ýolbaşçy belledi we ähli Babyl
akyldarlaryna baştutan goýdy. 49 Danyýel
patyşadan haýyş edip, Şadragy, Meýşa-
gy we Abednegony Babyl welaýatynyň
ýokary wezipelerine belletdi, emma
Danyýeliň özi köşkde galdy.

## 3-nji bap

### *Altyn heýkel*

1 Nebukadnesar patyşa bir altyn heý-
kel ýasatdy. Onuň boýy altmyş, ini alty
tirsekdi. Patyşa heýkeli Babyl welaýa-
tynyň Deýra diýen düzlüginde dikdi.
2 Soňra Nebukadnesar patyşa häkimlere,
serdarlara, wezirlere, geňeşçilere, hazy-
nadarlara, kazylara, kanun gözegçilerine
we welaýatyň ähli han-beglerine çapar
ýollap, olara heýkeliň açylyş dabarasyna
gatnaşmaklaryny buýurdy. 3 Şeýlelikde
häkimler, serdarlar, wezirler, geňeşçiler,
hazynadarlar, kazylar, kanun gözeg-
çileri we welaýatyň ähli han-begleri
Nebukadnesar patyşanyň diken heýke-
liniň açylyş dabarasyna ýygnanyşdylar.
Olar Nebukadnesaryň diken heýkeliniň
öňünde durkalar, 4 jarçy batly ses bilen
şuny yglan etdi: «Eý, halklar, milletler,
uruglar! Size şeýle buýruk berilýär:
5 Surnaýyň, tüýdügiň, liranyň, üçburç
liranyň, arfanyň, depregiň we beýleki
saz gurallarynyň sesini eşiden badyňyza
Nebukadnesar patyşanyň diken altyn
heýkeliniň öňünde ýere ýüzin düşüp
sežde ediň. 6 Ýere ýüzin düşüp sežde
etmedik adam duran ýerinde ýanyp
duran kürä taşlanjakdyr». 7 Şeýlelikde,
surnaýyň, tüýdügiň, liranyň, üçburç
liranyň, arfanyň, depregiň we beýleki
saz gurallarynyň sesi eşidilen badyna

ähli halklar, milletler we uruglar ýere
ýüzin düşüp, Nebukadnesar patyşanyň
diken altyn heýkeline sežde etdiler.
8 Edil şol wagt babyllylardan käbirleri
patyşanyň huzuryna gelip, ýahudylary
ýamanladylar. 9 Olar Nebukadnesar paty-
şa şeýle diýdiler: «Patyşa baky ýaşasyn!
10 Eý, patyşa, sen surnaýyň, tüýdügiň,
liranyň, üçburç liranyň, arfanyň, dep-
regiň we beýleki saz gurallarynyň sesi
eşidilen badyna ähli kişi ýere ýüzin
düşüp, altyn heýkele sežde etmeli diýip
buýruk berdiň. 11 Ýere ýüzin düşüp sežde
etmedigiň ýanyp duran kürä taşlan-
jakdygyny duýdurypdyň. 12 Ine, Babyl
welaýatynda seniň ýokary wezipelere
bellän Şadrak, Meýşak we Abednego
atly ýahudylaryň bar. Ine, patyşahym,
şol adamlar seniň buýrugyňa boýun
egmeýärler. Olar seniň hudaýlaryňa
gulluk etmeýärler we seniň diken altyn
heýkeliňe sežde etmeýärler».
13 Şonda Nebukadnesar gahar-gazaba
münüp, Şadragy, Meýşagy we Abedne-
gony getirmeklerini buýurdy. Şeýdip,
olary patyşanyň huzuryna getirdiler.
14 Nebukadnesar olara: «Eý, Şadrak,
Meýşak, Abednego, siz hakykatdan
hem meniň hudaýlaryma gulluk et-
meýärsiňizmi, diken altyn heýkelime
sežde etmeýärsiňizmi? 15 Entek hem bir
pille, siz surnaýyň, tüýdügiň, liranyň,
üçburç liranyň, arfanyň, depregiň we
beýleki saz gurallarynyň sesini eşiden
badyňyza ýüzüňizi ýere berip, meniň
diken heýkelime sežde etmäge taýýar
bolsaňyz ne ýagşy. Emma sežde etmek-
den boýun gaçyrsaňyz, duran ýeriňizde
ýanyp duran kürä taşlanarsyňyz. Sizi
meniň elimden halas edip biljek hudaý
barmyka?» diýdi. 16 Şadrak, Meýşak we
Abednego Nebukadnesar patyşa şeýle
jogap berdiler: «Bu ýagdaýda özümizi
senden goramagyň geregi ýok. 17 Eý,
patyşahym, bizi ýanyp duran küreden
halas edip bilýän Hudaý – bu biziň gul-
luk edýän Hudaýymyzdyr, Ol bizi seniň
eliňden halas eder. 18 Ýöne Ol bizi halas
etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip
goýgun: biz seniň hudaýlaryňa gulluk
etmeris, seniň diken altyn heýkeliňe
sežde etmeris».

### *Danyýeliň üç dosty ýanyp duran kürä taşlanýar*

19 Şundan soň Şadraga, Meýşaga we
Abednego garşy Nebukadnesaryň ga-
har-gazaby ot bolup tutaşdy. Gahardan
ýaňa hatda onuň ýüzi gamaşyp gitdi. Ol
ýanyp duran küräni adatdakysyndan
hem ýedi esse artyk gyzdyrmaklaryny
buýurdy. 20 Şeýle hem ol goşunyndaky iň
güýçli esgerlere Şadragyň, Meýşagyň we
Abednegonyň el-aýagyny daňyp, olary
ýanyp duran kürä taşlamaklaryny buýur-
dy. 21 Şeýlelikde, uzyn köýnekli, donly,
selleli we beýleki geýim-gejimli halda
el-aýaklaryny daňyp, olary ýanyp duran
kürä taşladylar. 22 Patyşanyň buýrugynyň
juda berkdigi sebäpli küre çendenaşa
gyzdyrlandygy üçin, Şadragy, Meýşagy,
Abednegony oda taşlan adamlar onuň
howruna ýandylar. 23 Şadrak, Meýşak we
Abednego bolsa daňlyp, ýanyp duran
küräniň içine ýykyldylar.
24 Şol wagt Nebukadnesar patyşa
gorkudan ýaňa aňk bolup, haýran ga-
lyp, çaltlyk bilen ör-boýuna galdy. Ol
geňeşçilerine ýüzlenip: «Biziň daňyp,
oduň içine atanymyz üç adam dälmidi
näme?» diýdi. Olar: «Dogry, eý, paty-
şahym!» diýip jogap berdiler. 25 Patyşa:
«Emma men oduň içinde gezip ýören,
el-aýagy çözülen dört adamy görýä-
rin. Olara hiç hili zeper ýetmändir we
olaryň dördünjisiniň keşbi hudaýlaryň

biriniňkä[a] meňzeýär» diýdi. [26]Onsoň
Nebukadnesar ýanyp duran küräniň
agzyna golaý baryp: «Eý, Beýik Huda-
ýyň sadyk gullary Şadrak, Meýşak we
Abednego, daşary çykyň! Bäri geliň!»
diýdi. Şeýdip, Şadrak, Meýşak we Abed-
nego oduň içinden çykdylar. [27]Emirler,
serdarlar, häkimler we patyşanyň geňeş-
çileri üýşüp, oduň bu adamlara hiç hili
zyýan ýetirmändigini gördüler. Olaryň
başlaryndaky saçlary-da çirkizilmändi,
donlaryna-da zeper ýetmändi, hatda
olaryň üstüne oduň ysy hem urmandy.

[28]Nebukadnesar şeýle diýdi: «Şad-
ragyň, Meýşagyň we Abednegonyň
Hudaýyna alkyş bolsun! Perişdesini
iberip, Özüne bil baglan gullaryny halas
etdi. Olar patyşanyň buýrugyna boýun
bolmadylar. Özleriniň Hudaýyndan baş-
ga hudaýa gulluk ýa sežde etmezlik üçin,
janlaryny howp astyna saldylar. [29]Şo-
nuň üçin hem men perman çykarýaryn:
Şadragyň, Meýşagyň we Abednegonyň
Hudaýyna garşy küpür geplän her bir
halkyň, milletiň ýa-da urugyň el-aýagy
çapylyp, öý-öwzary weýran ediljek-
dir. Çünki şunuň ýaly halas edip biljek
başga hiç bir hudaý ýokdur». [30]Soňra
patyşa Şadragy, Meýşagy we Abedne-
gony Babyl welaýatynda has-da ýokary
wezipelere belledi.

### *Nebukadnesar patyşanyň ikinji düýşi*

[31]Nebukadnesar patyşa ýer ýüzünde
ýaşaýan ähli halklara, milletlere we
uruglara şeýle habary iberdi: «Öýleriňiz
abadan bolsun! [32]Men size Beýik Hu-
daýyň özüme görkezen alamatlarydyr
mugjyzalaryny yglan etmegi makul
bildim.

[33]Onuň alamatlary nähili beýik!
Mugjyzalary hem nähili güýçli!
Onuň patyşalygy ebedi şalykdyr!
Hökümdarlygy nesilden-nesle
dowam eder».

### 4-nji bap

[1]Men Nebukadnesar öýümde rahat,
köşgümde şady-horramlykda ýaşaýar-
dym. [2]Men bir düýş gördüm, ol meni
gaty gorkuzdy. Ýatyrkam hyýallarym
we gören görnüşlerim meni howsala
saldy. [3]Şonda men bu düýşi ýordur-
mak üçin Babylyň ähli akyldarlaryny
huzuryma getirmeklerini buýurdym.
[4]Onsoň jadygöýler, palçylar, müneç-
jimler we bilgiçler geldiler. Men olara
gören düýşümi gürrüň berdim, emma
olar ony ýorup bilmediler. [5]Ahyry meniň
hudaýymyň adyna görä Belteşasar diýlip
atlandyrylan, mukaddes hudaýlaryň ru-
hy bilen doldurylan Danyýel huzuryma
geldi. Men oňa düýşümi gürrüň berdim:
[6]«Eý, jadygöýleriň başlygy Belteşasar,
seniň mukaddes hudaýlaryň ruhy[b] bilen
doldurylandygyňy bilýärin. Islendik bir
gizlin syry açmak seniň üçin kyn däldir.
Meniň gören düýşüme gulak goý-da,
onuň ýorgudyny maňa aýdyp ber. [7]Ine,
meniň ýatyrkam gören düýşüm: ýeriň
ortasynda bir agaç bardy, onuň boýy
diýseň gaty belentdi. [8]Agaç belende ösüp,
has güýçlendi, başy baryp, gök asma-
na direndi, ol dünýäniň çar künjünden
görünýärdi. [9]Onuň ýapraklary şeýle
gözeldi, diýseň bolelin miwesi bardy.
Ol hemmelere iýmäge ýetjekdi, ýabany
haýwanlar onuň saýasynda ýatýardy, gö-
güň guşlary şahasynda höwürtgeleýärdi,
ähli janly-jandarlar şondan iýmitlenýärdi.

[a] **3:25 *Hudaýlaryň biriniňkä*** – sözme-söz terjime: *Hudaýyň ogluna*.
[b] **4:6 *Hudaýlaryň ruhy*** – ýa-da *Hudaýyň Ruhy*.

[10]Hyýalyma ýatyrkam gören düýşüm
üznüksiz gelip durdy, ine, gökden bir
gözegçi perişde inip gelýärdi. [11]Ol batly
ses bilen gygyryp, şeýle diýdi: „Agajy
kesiň, şahalaryny döwüň, ýaprakla-
ryny ýoluň, miwesini pytradyň. Goý,
haýwanlar onuň aşagyndan gaçsynlar,
guşlar onuň şahasyndan uçsunlar. [12]Em-
ma onuň köküni we damaryny daşyna
demir we bürünç aýlap, meýdan otla-
rynyň arasynda goýuň. Goý, ol gögüň
çygy bilen ýuwunsyn. Çöl haýwanlary
bilen birlikde ýerdäki otlardan paý alsyn.
[13]Onuň ynsan ýüregi alnyp, deregine
haýwan ýüregi berilsin. Onuň üstün-
den ýedi pasyl aýlansyn. [14]Bu höküm
gözegçileriň karary bilen çykdy. Bu
çözgüt perişdeleriň buýrugy bilen be-
rildi. Ähli janly-jandarlar şuny bilsin:
ynsan patyşalygynyň üstünden Beýik
Hudaý höküm sürýär. Ol patyşalygy
Öz islän adamyna berýär. Ynsanyň iň
pesini onuň üstünden goýýar“.

[15]Ine, men Nebukadnesaryň gören
düýşi şudur! Eý, Belteşasar, indi munuň
ýorgudyny maňa aýan et, çünki patyşaly-
gymdaky akyldarlaryň hiç biri bu düýşi
ýorup bilmedi. Ýöne sen başararsyň,
çünki sen mukaddes hudaýlaryň ruhy
bilen doldurylansyň».

### *Danyýel ikinji düýşi ýorýar*

[16]Şonda Belteşasar, ýagny Danyýel
bir salym agyr pikire çümdi. Pikirleri
ony howsala saldy. Patyşa: «Belteşasar,
seni agyr ünjä goýan bu düýş we onuň
ýorgudy bolaýmasyn» diýdi. Belteşasar
oňa şeýle jogap berdi: «Eý, jenabym,
goý, bu düýş seni ýigrenýänleriň, onuň
ýorgudy bolsa duşmanlaryňyň başyna
gelsin! [17]Seniň gören bu agajyň, ýagny
belent we güýçli, boýy asmana ýetip
duran, dünýäniň çar künjünden hem
görnüp duran, [18]owadan ýapraklary,
hemmelere ýetjek diýseň bol miwesi
bolan, kölegesinde ýabany haýwanlaryň
ýatýan, şahalarynda gögüň guşlarynyň
höwürtgeleýän agajy, [19]eý, patyşa, bu
agaç sensiň! Sen ulalyp güýçlendiň.
Beýikligiň gitdigiçe ösüp, göge ýetdi,
hökümdarlygyň dünýäniň çar künjegine
ýaýrady. [20]Eý, patyşa, sen bir gözegçi
perişdäniň gökden aşak inip gelýänini
gördüň. Ol: „Agajy kesip, ony ýok ediň,
emma onuň köküniň we damarynyň da-
şyna demir hem bürünç aýlap, meýdan
otlarynyň içinde goýuň. Üstünden ýedi
pasyl geçýänçä, goý, ol gögüň çygy bilen
ýuwunsyn we çöl haýwanlary bilen bile
paý alsyn“ diýdi.

[21]Eý, patyşahym, düýşüň ýorgudy şu-
dur: Beýik Hudaýyň emr eden hökümi
geljekde seniň başyňdan iner. [22]Sen
ynsanlar arasyndan kowlup, ýabany
haýwanlar bilen ýaşarsyň. Öküz ýaly
ot iýersiň, gögüň çygy bilen ýuwnarsyň.
Ynsan patyşalygynyň üstünden Beýik
Hudaýyň höküm sürýändigine we ony
Özüniň islän adamyna berýändigine
düşünýänçäň, seniň üstüňden ýedi pasyl
aýlanar. [23]Agajyň köküniň we damary-
nyň goýulmagy barada buýruk berlişi
ýaly, sen Gökdäkiniň hökümdarlygyna
göz ýetireniňden soň, patyşalygyň tä-
zeden dikeldiler. [24]Şonuň üçin hem, eý,
şahym, meniň maslahatymy kabul et:
günäleriňden adalatyň bilen, ýazykla-
ryňdan garyplara rehim etmegiň bilen
dyn. Belki şonda asudalygyň möhleti
uzar».

[25]Bularyň hemmesi Nebukadnesar
patyşanyň başyna geldi. [26]On iki aý
geçenden soň, ol Babylyň şa köşgüniň
ýokarsynda gezmeläp ýördi. [27]Patyşa:
«Bu patyşa paýtagty bolsun diýip, şan-
şöhratym üçin öz gudratly güýjüm bilen

guran beýik Babylym dälmi?» diýdi.
28 Entek patyşanyň sözleri agzyndaka,
gökden bir owaz geldi: «Eý, Nebukad-
nesar patyşa, saňa ine, şu yglan edilýär:
patyşalyk senden alyndy! 29 Sen ynsanlar
arasyndan kowlup, ýabany haýwanlar
bilen ýaşarsyň. Öküzler ýaly ot iýersiň.
Ynsan patyşalygynyň üstünden Beýik
Hudaýyň höküm sürýändigine we ony
Özüniň islän adamyna berýändigine
düşünýänçäň, seniň üstüňden ýedi pasyl
aýlanar». 30 Nebukadnesaryň garşysyna
çykarylan bu höküm şol wagtyň özünde
amala aşdy. Ol ynsanlar arasyndan ko-
wuldy, öküzler ýaly ot iýdi, onuň endamy
gögüň çygy bilen ýuwuldy. Saçy bür-
güdiň ýelegi ýaly, dyrnaklary guşlaryň
penjesi ýaly ösdi.
31 Bellenen möhlet dolanda, men Ne-
bukadnesar gözlerimi göge dikdim we
akylyma geldim.

Men Beýik Hudaýa alkyş aýtdym.
Baky Ýaşaýany şöhratlandyrdym,
hormatladym.
Onuň hökümdarlygy ebedi
hökümdarlykdyr.
Patyşalygy nesilden-nesle
dowam eder.
32 Dünýäniň ähli ilaty hiç zat
saýylar.
Gögüň goşunyna hem, ýer
ýüzüniň ilatyna hem
Öz islän zadyny eder.
Onuň elini saklap,
«Seniň edýäniň näme?» diýjek
hiç kim ýokdur.

33 Şol wagt men akylyma geldim. Pa-
tyşalygymyň şöhraty üçin meniň
hormatym we mertebäm täzeden di-
keldildi. Geňeşçilerim we törelerim
meniň golastyma dolanyp geldiler. Men
ýene-de patyşalygyma gowuşdym. Şöh-
ratyma ýene-de şöhrat goşuldy. 34 Indi
men Nebukadnesar gögüň Patyşasyny
öwgi bilen beýgeldip hormatlaýaryn.
Çünki Onuň ähli işleri hakykat, ýolla-
ry adalatdyr. Tekepbirleri peseltmäge
Onuň güýji ýetýändir.

## 5-nji bap

### *Diwara ýazylan ýazgy*

1 Belşasar şalyk tagtyna çykandan
soň, töreleriniň müňüsi üçin uly meý-
lis gurady we olar bilen bile şerap içdi.
2 Belşasar şerapdan keýplenip, atasy
Nebukadnesaryň Iýerusalimdäki yba-
dathanadan alyp gaýdan altyn we kümüş
gap-gaçlaryny getirmekligi buýurdy.
Patyşa, onuň töreleri, aýallary we gyr-
naklary şeraby şolara guýup içmekçidiler.
3 Şeýdip, Iýerusalimdäki ybadathanadan
Hudaýyň öýünden alnyp gaýdylan altyn
gap-gaçlary getirdiler. Patyşa, onuň
töreleri, aýallary we gyrnaklary şera-
by şolara guýup içdiler. 4 Olar şerap
içip, altyndan, kümüşden, bürünçden,
demirden, agaçdan we daşdan ýasalan
hudaýlary alkyşladylar.
5 Şol pursatda bir ynsan eliniň bar-
maklary peýda bolup, çyradanyň
gapdalyndaky şa köşgüniň diwarynyň
ýüzüne bir zatlar ýazmaga başlady. Paty-
şanyň ýazýan ele gözi düşdi. 6 Patyşanyň
ýüzünde reňk-pet galmady, pikirleri ony
howsala saldy. Onuň süňňi saňňyldap,
dyzlary biri-birine degip sandyrap baş-
lady. 7 Patyşa: «Palçylary, müneçjimleri
we bilgiçleri getiriň» diýip, batly ses
bilen gygyrdy. Ol Babyl akyldarlary-
na ýüzlenip: «Kimde-kim şu ýazgyny
okap, onuň manysyny düşündirip berse,
gyrmyzy don ýapylyp, onuň boýnuna
altyn zynjyr dakylar we patyşalykda
ol meniň sag elim bolar» diýdi. 8 On-
soň patyşanyň ähli akyldarlary içeri

girdiler, emma olar patyşa bu ýazgyny
ne okap berip, ne-de onuň manysyny
düşündirip bildiler. 9 Mundan soň Bel-
şasar patyşa gaty howsala düşdi, onuň
ýüzünde reňk-pet galmady, töreleri hem
aljyraňňylyga düşdüler.

10 Patyşanyň hem-de onuň töreleriniň
sesini eşidip, patyşanyň ejesi meýlis-
hana geldi. Patyşanyň ejesi şeýle diýdi:
«Patyşa baky ýaşasyn! Pikirleriň seni
howsala salmasyn, ýüzüňiň reňki sol-
masyn. 11 Seniň patyşalygyňda mukaddes
hudaýlaryň ruhy bilen doldurylan bir
adam bar. Ataňyň döwründe ol nura-
nalygy, düşünjeliligi, hudaýlar ýaly
paýhaslylygy bilen özüni tanatdyrdy.
Ataň Nebukadnesar patyşa ony jady-
göýleriň, palçylaryň, müneçjimleriň we
bilgiçleriň üstünden baştutan edip goýdy.
12 Patyşanyň Belteşasar diýip at beren bu
Danyýeline düýşleri ýormakda, tapma-
çalary bilmekde, kyn ýagdaýdan çykalga
tapmakda ýiti aň, bilim we düşünje
berlipdir. Indi Danyýeli çagyrt, bu ýaz-
gynyň manysyny saňa ol aýdyp berer».

13 Şondan soň Danyýeli patyşanyň hu-
zuryna getirdiler. Patyşa Danyýele şeýle
diýdi: «Patyşa atamyň Ýahudadan ýesir
edip getiren Danyýeli senmi? 14 Men
sende hudaýlaryň ruhunyň bardygyny,
saňa ýiti aň, düşünje we beýik paýhas-
lylyk berlendigini eşitdim. 15 Bu ýazgyny
okap, onuň näme aňladýandygyny maňa
aýdyp bermekleri üçin akyldarlary, pal-
çylary huzuryma getirdiler, emma olar
munuň näme aňladýandygyny düşün-
dirip bilmediler. 16 Ýöne seniň düýşleri
ýorup, kyn meseleleri çözüp bilýändigiňi
eşitdim. Indi sen bu ýazgyny okap, onuň
manysyny maňa düşündirip berseň, saňa
gyrmyzy don ýapylar, boýnuňa altyn
zynjyr dakylyp, patyşalykda meniň sag
elim bolarsyň».

17 Şonda Danyýel patyşa şeýle jogap
berdi: «Peşgeşleriň, goý, özüňe galsyn,
sylag-serpaýlaryňy-da başga birine ber!
Ýöne men ýazgyny okap, manysyny saňa
düşündirip bereýin. 18 Eý, patyşa, Beýik
Hudaý seniň ataň Nebukadnesara paty-
şalyk, beýiklik, şan-şöhrat we hormat
berdi. 19 Hudaýyň oňa beren beýikli-
ginden ýaňa ähli halklar, milletler we
uruglar ondan gorkup sandyraşýardylar.
Ol islän adamyny öldürip, islän kişisini-
de diri goýýardy. Halanyny beýgeldip,
halanyny-da peseldýärdi. 20 Emma
ol doňýürek bolup, tekepbirlik bilen
gopbamsy hereket edende, patyşalyk
tagtyndan düşürildi we şöhraty elinden
alyndy. 21 Ol ynsanlar arasyndan kowul-
dy, aňy haýwan aňyna öwrüldi. Ynsan
patyşalygynyň üstünden Beýik Huda-
ýyň höküm sürýändigine we patyşalygy
Özüniň islän adamyna berýändigine
düşünýänçä, ol ýabany eşekler bilen
ýaşady, öküzler ýaly ot iýdi, endamy
gögüň çygy bilen ýuwuldy. 22 Emma
sen, onuň ogly Belşasar, bularyň baryny
bilip durkaňam ýüregiňi pespäl tutma-
dyň! 23 Gaýtam, özüňi gögüň Taňrysyna
garşy goýup, tekepbirlik etdiň. Onuň
ybadathanasynyň gap-gaçlaryny seniň
huzuryňa getirdiler. Seniň özüň, töre-
leriň, aýallaryň we gyrnaklaryň olara
şerap guýup içdiňiz. Görmeýän, eşitme-
ýän we bilmeýän, kümüşden, altyndan,
bürünçden, demirden, agaçdan, daşdan
ýasalan hudaýlary alkyşladyňyz. Emma
janyňyzy Öz elinde saklaýan we ähli
ýollaryňyza göz-gulak bolýan Hudaýy
şöhratlandyrmadyňyz.

24 Şonuň üçin hem Ol bir el goýberip,
şeýle ýazgyny ýazdyrdy. 25 Ýazylan ýaz-
gy şudur: MENE, MENE, TEKEL we
PARSIN. 26 Bu sözleriň manysy şeýle:
MENE Hudaý seniň patyşalygyňyň

möhletini hasaplap[a], ony soňlady. 27TE-
KEL sen terezide çekildiň[b] we ýeňil
çykdyň. 28PERES patyşalygyň bölünip[ç],
madaýlara we parslara berildi».

29Şundan soň Belşasaryň buýrugy bo-
ýunça Danyýele gyrmyzy don ýapdylar,
boýnuna altyn zynjyr dakdylar we ony
patyşanyň sag eli diýip jar etdiler. 30Ba-
byl patyşasy Belşasar şol gije öldürildi.
31Patyşalygy altmyş iki ýaşly madaýly
Darýuş eline aldy.

## 6-njy bap

### *Danyýel ýolbarsly çukura taşlanýar*

1Darýuş öz patyşalygynyň üstünden
ýüz ýigrimi sany häkim bellemegi makul
bildi. Olar tutuş patyşalygyň üstünden
garamalydylar. 2Bu häkimleriň hem üs-
tünden sereder ýaly üç sany wezir goýdy.
Patyşany alada goýmaz ýaly häkimler
bu wezirlere hasabat bermelidiler. Üç
weziriň biri hem Danyýeldi. 3Özüniň
ýiti zehini bilen Danyýel derrew beýle-
ki wezirleriň we häkimleriň ählisinden
tapawutlandy. Patyşa ony tutuş patyşa-
lygyň üstünden garaýan edip bellemegiň
niýetindedi. 4Şeýlelikde, wezirler we
häkimler patyşalyk işlerinde Danyýeliň
üstünden arz eder ýaly bahana gözle-
mäge başladylar. Emma olar arz eder
ýaly ondan hiç hili ýazyk tapmadylar,
çünki Danyýel wepalydy. Ondan hiç
hili ýalňyşlyk ýa ýazyk tapylmady. 5Ol
adamlar: «Danyýele garşy onuň Huda-
ýynyň kanuny bilen baglanyşykly bir
zatlar tapaýmasak, ondan başga aýyp
tapyp bilmeris» diýişdiler.

6Onsoň ol wezirler, häkimler dil düw-
şüp, patyşanyň ýanyna geldiler we oňa:
«Darýuş patyşa baky ýaşasyn! 7Patyşaly-
gyň ähli wezirleri, serdarlary, häkimleri,
geňeşçileri we emirleri patyşanyň bir
perman çykaryp, ony güýje girizme-
gi barada özara maslahatlaşdylar. Eý,
patyşahym, kimde-kim otuz günüň do-
wamynda senden başga bir ynsana ýa-da
hudaýa dileg edip ýüz tutsa, ýolbarsly
çukura taşlansyn. 8Eý, şahym, madaýla-
ryň we parslaryň ýatyrylmajak kanuny
hökmünde hiç wagt üýtgedilmez ýaly,
şu karary tassykla we permana gol çek»
diýdiler. 9Şeýdip, Darýuş patyşa bu per-
mana we karara gol çekdi.

10Permana gol çekilenini bilenden soň,
Danyýel öýüne gaýtdy. Onuň ýokarky
otagynyň penjireleri Iýerusalime tarap
bakýardy. Danyýel öňki edişi ýaly, dyzy-
na çöküp, günde üç gezek öz Hudaýyna
dileg edýärdi we Onuň öňünde şükür
edýärdi. 11Şonda dil düwşen adamlar
gelip, Danyýeliň öz Hudaýyna dileg
edip ýalbaryp oturanyny gördüler. 12Olar
patyşanyň ýanyna baryp, onuň permany
hakda söz açyp: «Eý, patyşahym! Otuz
günüň içinde senden başga bir ynsana
ýa-da hudaýa dileg edeniň ýolbarsly çu-
kura taşlanjakdygy baradaky permana
gol çekmänmidiň näme?» diýdiler. Pa-
tyşa olara: «Madaýlaryň we parslaryň
ýatyrylmajak kanuny hökmünde bu söz
dogrudyr» diýip jogap berdi. 13Olar:
«Şahym, Ýahudadan ýesir edilip geti-
rilenleriň biri bolan Danyýel seni-de,
seniň möhür basan permanyňy-da äs-
germän, günde üç gezek dileg edýär»

[a] **5:26 *MENE… hasaplap*** – arameýçe *mene* sözi *hasaplamak* diýmegi aňladýar.
[b] **5:27 *TEKEL… çekildiň*** – arameýçe *tekel* sözi *terezide çekildiň* diýmegi aňladýar.
[ç] **5:28 *PERES… bölünip*** – arameýçe *peres* sözi *bölündiň* diýmegi aňladýar. *Peres* sözi *parsin* sözüniň birlik sanydyr.

diýip, patyşa habar berdiler. 14 Bu sözleri
eşidip, patyşa agyr ünjä batdy. Ol Dany-
ýeli halas etmegi ýüregine düwdi. Hatda
Gün batýança, ony halas etmäge çalyşdy.
15 Şol wagt adamlar üýşüp, patyşanyň
ýanyna geldiler we oňa: «Eý, şahym,
bilip goýgun, madaý we pars kanunyna
görä, patyşanyň tassyk eden karary we
permany üýtgedilmeli däldir» diýdiler.
16 Mundan soň patyşa Danyýeli getirip,
ýolbarsly çukura taşlamagy buýurdy.
Patyşa Danyýele: «Goý, seni wepalylyk
bilen gulluk edýän Hudaýyň halas et-
sin» diýdi. 17 Bir daşy getirip, çukuryň
agzynda goýdular. Danyýele degişli hiç
zat üýtgedilmesin diýip, patyşa özüniň
we töreleriniň möhürli ýüzügi bilen da-
şy möhürledi. 18 Onsoň patyşa köşgüne
gitdi. Oňa göwnüni göterer ýaly hiç zat
getirilmedi we ol gijesini agyz bekläp
geçirdi. Onuň gözüne uky gelmedi.

***Danyýel halas edilýär***

19 Säher bilen daň atan badyna patyşa
turup, ýolbarsly çukura tarap howlukdy.
20 Ol çukura ýakynlaşanda, naýynjar ses
bilen Danyýele: «Eý, diri Hudaýyň guly
Danyýel, wepalylyk bilen gulluk edýän
Hudaýyň seni ýolbarslardan halas edip
bildimi?» diýip gygyrdy. 21 Danyýel pa-
tyşa şeýle diýdi: «Patyşa baky ýaşasyn!
22 Meniň Hudaýym perişdesini iberip,
ýolbarslaryň agzyny baglady. Olar maňa
zeper ýetirmediler, çünki Hudaýyň hu-
zurynda men bigünä saýyldym. Seniň
öňüňde hem, eý, şahym, men hiç bir
şer iş eden däldirin». 23 Patyşa muňa
gaty begendi we Danyýeli çukurdan çy-
karmaklygy buýurdy. Şeýdip, Danyýel
çukurdan çykaryldy, onda hiç hili ýara
yzy ýokdy, çünki ol öz Hudaýyna bil
baglapdy. 24 Patyşanyň buýrugy boýunça
Danyýeli şugullan adamlary getirdiler.
Olary çagalary we aýallary bilen bile-
likde ýolbarsly çukura taşladylar. Olar
entek çukuryň düýbüne ýetmänkäler,
ýolbarslar olary gapyp, ähli süňklerini
owradyp kül etdiler.
25 Soňra Darýuş patyşa bütin ýer ýü-
zünde ýaşaýan halklara, milletlere we
uruglara şeýle diýip ýazdy: «Öýleri-
ňiz abadan bolsun! 26 Patyşalygyma
degişli ýerlerde ýaşaýan her bir ada-
myň Danyýeliň Hudaýyndan sandyrap
gorkmagyny buýruk berýärin.

Ol diri Hudaýdyr,
Ol ebedi Hudaýdyr.
Patyşalygy hiç haçan
ýykylmazdyr,
hökümdarlygy soňsuzdyr.
27 Ol halas edýär we boşadýar.
Gökde hem, ýerde hem
alamatlardyr mugjyzalar
görkezýär.
Danyýeli ýolbarsyň penjesinden
halas eden hut Oldur».

28 Şeýdip, patyşa Darýuşyň we Pars
patyşasy Kureşiň döwründe Danyýel
rowaçlandy.

## 7-nji bap

***Danyýeliň dört jandar hakyndaky görnüşi***

1 Babyl patyşasy Belşasaryň şalygynyň
birinji ýylynda Danyýel ýatyrka düýşün-
de görnüşler gördi. Soňra ol düýşüniň
özenini ýazyp beýan etdi. 2 Ol şeýle
gürrüň berdi: «Men gije bir görnüş gör-
düm, ine, gögüň dört şemalynyň beýik
deňze tarap tolkun atýandygyny gördüm.
3 Deňizden biri-birine meňzemeýän dört
sany uly jandar çykdy. 4 Birinjisi ýolbarsa
meňzeýärdi we onda bürgüdiň ganatlary
bardy. Men seredip durkam, onuň ganat-
lary goparylyp, ýerden galdy-da, ynsan

ýaly iki aýagynyň üstünde durdy. Oňa
ynsan ýüregi berildi. 5 Ikinji bir jandar
peýda boldy. Ol aýa meňzeýärdi. Ol bir
gapdalyna dikeldi. Onuň agzyndaky
dişleriniň arasynda üç sany gapyrga
süňki bardy. Oňa: „Hany, tur, köp et
iý!“ diýdiler.

6 Mundan soň gaplaňa meňzeş başga
bir jandar gördüm, onuň dört kellesi,
arkasynda bolsa dört ganaty bardy. Oňa
hökümdarlyk berlendi. 7 Onsoň men gije
şol görnüşimde gorkunç, aýylganç we
gaty güýçli dördünji bir jandary gördüm.
Onuň äpet uly demir dişleri bardy. Ol
parçalap iýýärdi, galan-gaçanlaryny
bolsa aýaklary bilen mynjyradýardy.
Bu özünden öňki jandarlaryň hemme-
sinden tapawutlanýardy. Onuň on sany
şahy bardy. 8 Şahlara üns berip durkam,
olaryň arasyndan ýene-de başga bir
kiçijik şah peýda boldy. Öňki peýda
bolan şahlardan üçüsi onuň öňünden
köki-damary bilen sogruldy. Bu şahyň
ynsanyň gözlerine meňzeş gözleri we
tekepbirlik bilen gepleýän agzy bardy.

### *Hudaýyň hökümi*

9 Men seredip durkam tagtlar guruldy.
Owaldan Bar Bolan tagtynda oturdy.
Onuň geýimleri gar ýaly ap-akdy, başyn-
daky saçlary hem pamyk ýaly ap-akdy.
Onuň tagty oduň ýalny kimindi, tigirleri
ýanyp duran otdy. 10 Öňünden bir otly çeş-
me çogup akýardy. Müňlerçe müňler Oňa
hyzmat edýärdi. On müňlerçe on müňler
huzurynda dik durýardy. Kazyýet mejlisi
hüküme başlady, kitaplar açyldy.

11 Şahyň agzyndan çykýan tekepbir
sözler meniň ünsümi özüne çekdi. Bu
jandar gözümiň alnynda öldürildi we
maslygy ýok edilip, ýanyp duran oda taş-
landy. 12 Beýleki galan jandarlaryň hem
ellerinden hökümdarlyk alyndy, emma
olaryň ömürleriniň möhleti wagtlaýynça
uzaldyldy. 13 Gije şol görnüşimde ynsan
ogluna meňzeş biriniň gögüň bulutlary
bilen gelýändigini gördüm. Ol owaldan
Bar Bolanyň ýanyna ýakynlaşyp, Onuň
huzuryna getirildi. 14 Ähli halklar, millet-
ler we uruglar oňa gulluk etsinler diýip,
oňa hökümdarlyk, şöhrat we patyşalyk
berildi. Onuň hökümdarlygy sowulmaz
baky hökümdarlykdyr. Patyşalygy hiç
wagt ýykylmajak patyşalykdyr».

### *Görnüşleriň düşündirilişi*

15 Gören görnüşlerim men Danyýeli
böwrüme pyçak sanjylan ýaly howsala
saldy. 16 Men ol ýerde duranlaryň birine
ýakynlaşyp, ondan bulara degişli ähli
hakykaty soradym. Şeýdip, ol maňa
bu zatlaryň ýorgudyny aýdyp berdi:
17 «Bu dört uly jandar ýer ýüzünde dört
patyşanyň aýaga galjagydyr. 18 Emma
patyşalygy Beýik Hudaýyň mukaddes
adamlary alarlar, olar patyşalyga he-
mişelik, ömürbaky we ebedilik eýelik
ederler». 19 Soňra men beýleki jandarla-
ryň ählisinden tapawutly, örän gorkunç,
dişleri demirden, dyrnaklary bürünçden,
çeýnäp parçalaýan, galan-gaçanlaryny
bolsa aýaklary bilen mynjyradýan dör-
dünji haýwan hakynda hakykaty bilmek
isledim. 20 Onuň başyndaky on şahdan
soňra çykan bir şahyň hem nämedigini
bilesim geldi. Bu şahyň öňünde öňki üç
şah ýykyldy. Bu şahyň gözleri we tekep-
birlik bilen gepleýän agzy bardy, görnüşi
beýlekilerden has uludy. 21 Men seredip
durkam, bu şah Hudaýyň mukaddes
adamlary bilen uruş etdi we olardan üs-
tün çykdy. 22 Onsoň owaldan Bar Bolan
gelip, Özüniň mukaddes adamlarynyň
haýryna höküm çykardy. Beýik Huda-
ýyň mukaddes adamlary üçin patyşalygy
eýelemegiň wagty geldi.

[23]Meniň söhbetdeşim şeýle diýdi:
«Dördünji jandar ýer ýüzünde dörejek
dördünji patyşalykdyr. Ol ähli patyşa-
lyklardan tapawutly bolup, tutuş ýer
ýüzüni çeýnär, ony depeläp, bölek-bölek
eder. [24]On şah bolsa bu patyşalykdan
çykjak on patyşadyr. Bulardan soňra
öňkülerden tapawutly başga bir patyşa
döräp, öňki üç patyşany ýykyp taşlar.
[25]Ol Beýik Hudaýa garşy küpür geplär,
Beýik Hudaýyň mukaddes adamlary-
ny ezer. Baýramçylyk senelerini we
kanunyny üýtgetmäge dyrjaşar. On-
soň bular bir wagta, iki wagta, ýarym
wagta çenli bu patyşanyň eline berler.
[26]Emma kazyýet mejlisi höküm çyka-
rar. Onuň hökümdarlygy elinden alnar,
wes-weýran bolup, bütinleý ýok ediler.
[27]Patyşalyk, hökümdarlyk, tutuş gögüň
astyndaky patyşalyklaryň beýikligi Be-
ýik Hudaýyň mukaddes adamlaryna
berler. Bu halkyň patyşalygy ebedi paty-
şalyk bolar. Ähli hökümdarlar bu halka
gulluk edip, boýun egerler».

[28]Ine, şu ýerde gürrüň gutarýar. Pi-
kirlerim men Danyýeli howsala saldy,
ýüzümde reňk-pet galmady, emma men
bu sözleri ýüregimde sakladym.

## 8-nji bap

### *Danyýeliň goç we erkeç hakyndaky görnüşi*

[1]Patyşa Belşasaryň patyşalygynyň
üçünji ýylynda men Danyýel öňki gö-
renimden başga ýene bir görnüş gördüm.
[2]Görnüşde men özümi Eýlam welaýa-
tyndaky Suza galasynda gördüm. Men
özümiň Ulaý kanalynyň boýunda duran-
dygymy gördüm. [3]Men seredip durkam,
kanalyň kenarynda bir goç gördüm.
Onuň iki şahy bardy. Şahlarynyň ikisi
hem uzyndy, ýöne biri beýlekisinden
has uzyndy we şol uzyny soň çykyp-
dy. [4]Goçuň günbatar, demirgazyk we
günorta taraplara süsýändigini gördüm.
Hiç bir haýwan onuň öňünde durup, hiç
kim onuň elinden gutulyp bilmeýärdi.
Ol islän zadyny edýärdi we gitdigiçe
güýçlenýärdi.

[5]Men syn edip durkam, ine, günbatar-
dan bir erkeç peýda boldy. Ol aýagyny
ýere basmazdan, bütin ýer ýüzüni aýla-
nyp çykdy. Onuň iki gözüniň ortasynda
göze ilip duran bir şahy bardy. [6]Ol kana-
lyň kenarynda duran, meniň gören iki
şahly goçumyň ýanyna gelip, bar gazaply
güýji bilen oňa okduryldy. [7]Men onuň
goça golaý baranyny gördüm. Ol goça
gazap bilen hüjüm etdi, ony süsüp, iki
şahyny-da döwdi. Onuň öňünde durmaga
goçuň güýji ýokdy. Erkeç ony ýere çalyp
depeledi. Goçy onuň elinden halas etjek
hiç kim ýokdy. [8]Onsoň erkeç has güýç-
lendi, emma onuň güýji has beýgelende,
onuň şol ýeke uly şahy döwüldi we onuň
ýerine gögüň dört şemalyna garap duran
dört sany göze ilginç şah peýda boldy.

[9]Olaryň birinden başga bir kiçijik
şah peýda boldy. Ol günorta, gündoga-
ra we owadan ýurda tarap has ulaldy.
[10]Kiçijik şah ulalyp, asman jisimine
çenli baryp ýetdi. Ol goşundan, ýagny
ýyldyzlardan birnäçesini ýere taşlap
depgiledi. [11]Kiçijik şah özüni hatda go-
şun serdaryna çenli beýgeltdi. Ol goşun
serdarynyň elinden gündelik ýakma
gurbanlygyny alyp, mukaddes öýi ýok
etdi. [12]Pitne turzany sebäpli gündelik
ýakma gurbanlygy goşun bilen birlikde
onuň ygtyýaryna berildi. Ol hakykaty
ýere çalyp, her bir eden işinde üstünlik
gazandy. [13]Onsoň men bir perişdäniň
geplänini eşitdim. Başga bir perişde bu
geplän perişdä şeýle sorag berdi: «Bu
görnüşde görlen zatlar haçana çenli

dowam ederkä? Haçana çenli gündelik
ýakma gurbanlygynyň ýerini weýran-
çylyk getirýän gozgalaň tutjakka we
mukaddes öý bilen goşun aýak astyna
taşlanyp depelenjekkä?» 14 Ol: «Bu waka
iki müň üç ýüz gije-gündiz dowam eder.
Soňra mukaddes öý adalatsyzlykdan
tämizlener» diýip jogap berdi.

### *Jebraýyl görnüşi düşündirýär*

15 Men Danyýel gören görnüşimden
many çykarmaga synanyşýarkam, bir-
denkä ynsan sypatyndaky biri meniň
öňümde peýda boldy. 16 Men Ulaý ka-
nalynyň ortasyndan bir ynsanyň sesini
eşitdim, ol gygyryp: «Jebraýyl, bu ada-
ma görnüşden many çykarmaga kömek
et» diýdi. 17 Şeýdip, Jebraýyl meniň duran
ýerime geldi. Ol gelende, men dowla
düşüp, özümi ýere taşladym. Emma ol
maňa: «Eý, ynsan ogly, muny bilgin, bu
görnüş ahyrzamana degişlidir» diýdi.
18 Ol maňa bu sözleri aýdýarka, huşum-
dan gidip, ýere ýüzin ýykyldym, ýöne
ol meni tutup, aýak üstüne galdyrdy.
19 Jebraýyl maňa şeýle diýdi: «Diňle,
ahyrky gahar-gazap günleri nämeleriň
boljagyny men saňa aýdaýyn. Çünki bu
görnüş ahyrzamanyň bellenen wagtyna
degişlidir. 20 Seniň gören iki şahly goçuň
Madaý we Pars patyşalarydyr. 21 Erkeç
bolsa Gresiýanyň patyşasydyr. Onuň
iki gözüniň ortasyndaky uly şahy bol-
sa onuň ilkinji patyşasydyr. 22 Ol şahyň
döwlüp, ýerine dört şahyň çykmagy ol
milletden dört patyşalygyň çykjakdy-
gyny, ýöne olaryň ilkinji patyşalyk ýaly
güýçli bolmajakdygyny aňladýar. 23 Bu
dört patyşalygyň soňy ýakynlaşanda, gü-
näleri ýetjek derejesine ýetende, tekepbir,
diýseň mekir patyşa dörär. 24 Ol güýçle-
nip kuwwatlanar, ýöne bu onuň öz güýji
bilen bolmaz. Ol elhenç weýrançylyklar
getirer, edýän işi rowaçlanar. Ol güýç-
lüleri we mukaddes adamlary heläk
eder. 25 Öz danalygy bilen hilegärlikde
üstünlik gazanar we ýüreginde özüni
beýgelder. Duýdurmazdan köp halky
ýok eder, hatda hökümdarlaryň Höküm-
daryna garşy çykar. Emma onuň özi
ynsan eli degmezden synar. 26 Agşam
we ertir baradaky saňa görkezilen bu
görnüş hakykatdyr. Emma bu görnüşi
gizlin sakla, çünki ol uzak bir gelejege
degişlidir».
27 Men Danyýel takatdan düşdüm, bir-
näçe günläp ýaramadym. Soňra aýak
üstüne galyp, ýene-de patyşanyň işleri
bilen meşgul boldum. Men bu görnüşe
aňka-taňka boldum, oňa düşünmedim.

## 9-njy bap

### *Danyýel halk üçin dileg edýär*

1 Asly madaý bolan Kserksiň ogly Dar-
ýuşyň patyşalygynyň birinji ýylydy. Ol
babyllylaryň üstünden patyşa goýlupdy.
2 Onuň şalygynyň birinji ýylynda men
Danyýel Mukaddes Ýazgylara ser sal-
dym. Men olardan Rebbiň Ýermeýa
pygambere iberen sözüne görä, Iýe-
rusalimiň ýetmiş ýyllap harabaçylyga
öwrülip ýatjakdygyna düşündim. 3 On-
soň men ýüzümi Taňry Hudaýa tarap
öwürdim. Agyz bekläp, jul geýnip, kül
üstünde oturyp, dileg etdim, Ony agta-
ryp ýalbardym.
4 Men Hudaýym Rebbe dileg etdim
we toba edip, şeýle diýdim: «Eý, Taňry,
Seni söýýänlere, buýruklaryny berjaý
edýänlere ähtini we baky söýgüsini
saklaýan beýik we haýbatly Hudaý! 5 Se-
niň buýruklaryňdan we hökümleriňden
ýüz öwrüp, günä gazandyk, azgynlyk
etdik, erbetlik edip, Seniň garşyňa
baş galdyrdyk. 6 Biz patyşalarymyza,

han-beglerimize, ata-babalarymyza we
ýurduň ähli halkyna Seniň adyňdan
geplän gullaryň pygamberlere gulak
asmadyk. 7 Ýa Reb, Sende adalat bar,
emma biz bu günki gün hem ýüzügara-
dyrys! Bu ýahuda halkyna, Iýerusalimiň
ilatyna, Saňa garşy eden dönükligi se-
bäpli ähli ýurtlara dargadan halkyňa,
ýakynu-uzakda bolan bütin ysraýyllara
degişlidir. 8 Ýa Reb, patyşalarymyzyň,
han-beglerimiziň, ata-babalarymyzyň
ýüzüni utanç gaplandyr, sebäbi biz Sa-
ňa garşy günä etdik. 9 Rehimdarlyk we
geçirimlilik Taňry Hudaýymyza mah-
susdyr, çünki biz Onuň garşysyna baş
galdyrdyk. 10 Hudaýymyz Rebbiň sözüne
gulak asmadyk, Onuň gullary bolan py-
gamberler arkaly bize beren kanunlary
bilen ýöremedik.

11 Bütin Ysraýyl Seniň kanunyňy bozup
azdy we Seniň sözüňe gulak asmakdan
boýun gaçyrdy. Şeýdip, Hudaýyň guly
Musanyň kanunynda ýazylan nälet ba-
şymyzdan indi we kasam ýerine ýetdi.
Sebäbi biz Saňa garşy günä etdik. 12 Ba-
şymyzdan äpet bela-beterler inderjekdigi
barada Onuň bize we üstümizden höküm
sürýän baştutanlarymyza aýdan sözleri
berjaý boldy. Iýerusalimiň başyna inen
bela gögüň astyndaky hiç bir şäheriň
üstünden hiç haçan inmändi. 13 Edil
Musanyň kanunynda ýazylyşy ýaly, bu
belalaryň ählisi biziň başymyzdan in-
di. Emma biz etmişlerimizden el çekip,
Hudaýymyz Rebden mähir-muhabbet
dilemedik, Onuň hakykatyna pitiwa
etmedik. 14 Şonuň üçin Reb bu belalaryň
amatly pursadyny peýläp, olary biziň
başymyzdan inderdi. Çünki Hudaýy-
myz Reb ähli edýän işlerinde adyldyr.
Biz bolsa Onuň sözüne boýun bolma-
dyk. 15 Eý, Taňry Hudaýymyz, Sen Öz
halkyňy gudratly goluň bilen Müsürden
çykardyň. Bu günki ýaly Öz adyňy-da
şöhratlandyrdyň! Biz bolsa günä ga-
zandyk, erbetlik etdik. 16 Eý, Taňry, ähli
adalatly işleriňe görä, gahar-gazabyňy
Öz şäheriň Iýerusalimden, mukaddes
dagyňdan sow. Biziň günälerimiz we
ata-babalarymyzyň ýazygy sebäpli
Iýerusalim we Seniň halkyň daş-tö-
weregimizdäki ähli halklara masgara
boldy. 17 Eý, Hudaýymyz, şoňa görä indi
Öz guluňyň dilegini we nalyşyny diňle!
Öz hatyraň üçin, eý, Taňrym, weýran
bolan mukaddes öýüňe Öz nuruňy saç.
18 Eý, Hudaýym, diňle we eşit! Gözle-
riňi açyp, biziň weýrançylygymyza we
Seniň adyň dakylan şähere seret. Biziň
dogruçyldygymyz sebäpli däl-de, eýsem
Seniň beýik rehimdarlygyň sebäpli öz
nalyşlarymyzy Seniň huzuryňa getirdik.
19 Ýa Reb, eşit! Bagyşla, ýa Reb! Ýa Reb,
diňle we amala aşyr! Öz hatyraň üçin,
eý, Hudaýym gijikdirme! Çünki şäher
we halk Seniň adyňy göterýändir!»

### *Jebraýyl ýetmiş ýediýyllyk hakda düşündirýär*

20 Men dileg edip, öz günämi we hal-
kym Ysraýylyň günäsini boýun alyp,
Hudaýymyň mukaddes dagy üçin Hu-
daýym Rebbiň huzurynda nalyşlarymy
aýan edip durdum. 21 Şonda agşam gur-
banlyk berilýän wagty men entek dileg
edip durkam, öňki görnüşimde gören
adamym Jebraýyl çaltlyk bilen uçup,
ýanyma geldi. 22 Ol maňa şeýle düşündir-
di: «Danyýel, men saňa akyl-paýhas we
düşünje bermek üçin geldim. 23 Seniň na-
lyşyňyň ilki başynda şeýle buýruk çykdy.
Men hem ony saňa aýan etmäge geldim,
çünki sen juda söýülýänsiň. Indi bolsa
buýruga gulak goý we bu görnüşe düşün:

24 Jenaýatçylygy ýok edip, günäle-
riň soňuna çykmak üçin, etmişlerden

saplanmak we ebedi dogruçyllygy
berkarar etmek üçin, weliligi hem py-
gamberligi möhürlemek we iň mukaddesi
seçip-saýlamak üçin seniň halkyňa we
mukaddes şäheriňe ýediýyllyk ýetmiş
möhlet karar edildi. 25Şuny bilip goý we
düşün: Iýerusalimi täzeden dikeltmek
üçin çykan buýrukdan tä seçip-saýlan-
jak hökümdaryň döwrüne çenli ýedi
ýediýyllyk geçer. Altmyş iki ýediýyl-
lygyň içinde Iýerusalimde meýdançalar
we garymlar ýene-de täzeden gurlar.
Emma bu hem muşakgatly zamanda
bolar. 26Altmyş iki ýediýyllykdan soň
seçip-saýlanan heläk bolar we ondan hiç
zat galmaz. Geljek hökümdaryň goşu-
ny bu şäheri we mukaddes öýi weýran
eder. Onuň soňy tupanly bolar, ahyryna
çenli uruş bolar. Weýrançylyk bolja-
gy karar edilendir. 27Hökümdar köpler
bilen bir hepdelik berk äht baglaşar.
Ýarym hepdeden soň bolsa gurbanlyk
we sadaka bermesini goýar. Edilen karar
onuň başyndan inýänçä, bu weýran ediji
hökümdar ybadathananyň içinde weý-
rançylyk getirýän ýigrenji zady diker».

## 10-njy bap

### *Danyýeliň Tigr derýasynyň kenaryndaky görnüşi*

1Pars patyşasy Kureşiň patyşalygy-
nyň üçünji ýylynda Belteşasar, ýagny
Danyýele bir ylham geldi. Bu ylham
hakykatdy we beýik bir urşuň boljak-
dygy baradady. Ol bu görnüşden many
çykaryp, ylhama düşündi.
2Şol günler men Danyýel üç hepdeläp
ýas tutdum. 3Üç hepde doly tamamlan-
ýança, tagamly nahar iýmedim. Agzyma
ne et, ne şerap degdi, bedenime hem hiç
hili ýag çalmadym. 4Birinji aýyň ýigrimi
dördünji güni men beýik derýanyň Tigr
derýasynyň kenarynda durdum. 5Başy-
my galdyryp seretsem, ine, eginbaşy
nepis zygyr matadan, bili sap altyndan[a]
kemerli biri durdy. 6Onuň bedeni sary
ýakut ýalydy, ýüzi ýyldyrym ýaly öwşün
atýardy. Gözleri ýanyp duran şamçyrag,
gollary we aýaklary ýalpyldawuk bürünç
ýaly ýalpyldaýardy, sesi uly mähelläniň
galmagaly ýalydy.
7Men Danyýel ol görnüşi ýeke özüm
gördüm. Meniň ýanymdakylar muny
görmediler, gaýtam olary elhenç gorky
gaplap aldy, olar gizlenmek üçin gaçyp
gitdiler. 8Şeýdip, men ýeke galdym. Bu
beýik görnüşi görenimde, mende güýç
galmady, ýüzümde reňk-pet galmady,
men takatdan düşdüm. 9Soňra men onuň
sesiniň owazyny eşitdim. Geplände onuň
sesini eşidip, huşumdan gitdim we ýere
ýüzin ýykyldym.
10Şonda bir el maňa galtaşyp, dyzy-
ma galdyrdy. 11Ol maňa: «Danyýel, sen
jandan eziz söýülýänsiň. Meniň saňa
aýtjak sözlerime gulak goý. Tur, aýaga
gal, çünki men seniň ýanyňa iberildim»
diýdi. Ol bu sözleri aýdanda, men titräp
ýerimden galdym. 12Ol sözüni dowam
edip, maňa şeýle diýdi: «Danyýel, gork-
ma, çünki düşünmegi ýüregiňe düwen
we Hudaýyňyň öňünde özüňi pespäl
tutan ilkinji günüňden başlap, seniň
sözleriň diňlendi we men seniň sözleriň
sebäpli geldim. 13Emma Pars patyşaly-
gynyň serdary ýigrimi bir günläp maňa
garşy durdy. Şol wagt baş serdarlardan
biri bolan Mikaýyl maňa kömege geldi.
Men ol ýerde Pars patyşalary bilen ga-
lypdym. 14Men ahyrky günlerde seniň
halkyňyň başyna nämeleriň geljegini

[a] **10:5** ***Sap altyndan*** – ýa-da *Ufaz altyndan.*

saňa düşündirmäge geldim, çünki bu
görnüş şol geljek döwre degişlidir».
15 Ol maňa bu sözleri aýdýarka, men
ýüzümi aşak salyp, dilim tutuldy. 16 Şol
wagt ynsana meňzeş biri dodaklary-
ma elini degirdi. Men agzymy açyp
geplemäge başladym, öňümde durana
ýüzlenip, şeýle diýdim: «Eý, jenabym, bu
görnüş zerarly men dert çekdim, mende
güýç-kuwwat galmady. 17 Guluň bolan
men seniň ýaly jenabym bilen nädip
gepleşeýin? Mende güýç-gurbat galmady,
demim tutuldy».
18 Onsoň ýaňky ynsana meňzeş bo-
lan ýene-de maňa elini degirdi, meni
güýçlendirdi. 19 Ol maňa: «Jandan eziz
söýülýän ynsan, gorkma, saňa rahatlyk
bolsun! Dözümli we mert bol!» diýdi. Ol
meniň bilen gepleşende, men güýçlen-
dim we oňa: «Aýdyber, jenabym, çünki
sen maňa güýç berdiň» diýdim. 20 Soňra
ol maňa şeýle gürrüň berdi: «Meniň
näme üçin seniň ýanyňa gelendigimi
bilýärsiňmi? Indi men pars serdary bilen
söweşmäge yzyma dolanmaly. Men gi-
denimden soň, Gresiýanyň serdary geler.
21 Emma men saňa hakykat kitabynda
näme ýazylanyny aýan edeýin. Maňa
olara garşy söweşmäge serdaryňyz Mi-
kaýyldan başga hiç kim goldaw bermedi.

## 11-nji bap

1 Madaýly Darýuşyň patyşalygynyň bi-
rinji ýylynda men Mikaýyly goldap, ony
güýçlendirmek üçin ýanynda durdum.

### *Günorta patyşalary demirgazyk patyşalary bilen söweşýär*

2 Indi men saňa hakykaty aýdyp bere-
ýin. Pars ýurdundan ýene-de üç patyşa
çykar. Dördünji patyşa olaryň hemme-
sinden baý bolar. Ol baýlygynyň üsti
bilen güýçlenende, hemmäni Gresiýa
patyşalygyna garşy aýaga galdyrar.
3 Soňra güýçli bir patyşa çykar. Ol be-
ýik patyşalygy bilen höküm sürüp, öz
islänini eder. 4 Ýöne ýaňy güýçlenip,
aýaga galan mahaly, onuň patyşalygy
dargadylyp, gögüň çar tarapyna bölüner.
Patyşalyk onuň nesline geçmez, onuň
ýerine patyşa bolanlaryň hiç biri onuň
ýaly höküm sürmez. Onuň patyşalygy
köki bilen sogrulyp, öz neslinden bol-
madyk başga birilerine berler.
5 Günorta patyşasy güýçlener, emma
onuň öz serkerdelerinden biri ondan has
güýçlenip, serkerdäniň hökümdarlygy
has beýgeler. 6 Birnäçe ýyl geçenden soň,
günorta patyşasy demirgazyk patyşasy
bilen birleşer. Ol gyzyny demirgazyk
patyşasyna berip, onuň bilen ýaraşyk
baglaşar. Emma ol gyz bu ýaraşygyň
güýjüni uzak saklap bilmez. Patyşa
hem, onuň tohum-tiji hem uzak döwran
sürmez. Şeýdip, bu gyz-da, onuň ýa-
ranlary-da, kakasy-da, özüni goldanlar
bilen bile ele düşerler. 7 Ýöne ol gyzyň
kakasynyň, ýagny günorta patyşasynyň
ýerine gyzyň köküinden bir baldak çykar,
ol demirgazyk patyşasynyň garşysyna
hüjüm edip, onuň galasyna girer. Olar
bilen söweşip, ýeňiş gazanar. 8 Olaryň
hudaýlaryny, butlaryny, kümüşden we
altyndan ýasalan gymmatbaha gap-gaç-
laryny olja hökmünde Müsüre getirer.
Onsoň ol birnäçe ýyllap demirgazyk
patyşasynyň üstüne çozmaz. 9 Soňra
demirgazyk patyşasy günorta patyşa-
synyň üstüne çozar, emma onuň hüjümi
yzyna serpikdiriler.
10 Demirgazyk patyşasynyň ogullary
söweşe taýýarlanyp, juda güýçli go-
şun toplarlar. Goşun sil kimin süýşüp
gelip, basyp alar we öwrülip ýene-de
günorta patyşasynyň galasyna hüjüm
eder. 11 Günorta patyşasy gazap atyna

atlanyp, demirgazyk patyşasyna garşy
söweşer. Demirgazyk patyşasy hem uly
bir goşuny aýaga galdyrar, emma onuň
goşuny duşmanyndan ýeňler. 12 Bu go-
şun ele düşensoň, günorta patyşasynyň
ýüregi galkynar. Ýöne ol on müňlerçe
adamy öldürse-de, onuň ýeňşi uzaga
çekmez. 13 Çünki demirgazyk patyşa-
sy ýene-de öňküsinden hem has beýik
bir goşun toplar. Birnäçe ýyldan soň ol
doly ýaraglanan agyr goşun bilen geler.

14 Şol döwürde birtopar adam günorta
patyşasynyň garşysyna çykar. Görnüşiň
berjaý bolmagy üçin seniň halkyňyň
arasyndan güýji zorlar aýaga galarlar,
emma olar büdrärler. 15 Soňra demir-
gazyk patyşasy berk diwarly şähere
gelip, onuň diwarlaryna çykmak üçin
ýapgyt gurar we bu şäheri basyp alar.
Günorta goşuny hatda özüniň saýlama
goşuny bilen-de onuň garşysynda durup
bilmez, olaryň güýçleri ýetmez. 16 De-
mirgazyk patyşasy özüne garşy çykana
islän zadyny eder, hiç kim onuň öňünde
durup bilmez. Ol owadan ýurtda özüni
berkarar eder we weýran ediş ygtyýa-
ryna eýe bolar. 17 Patyşalygynyň ähli
güýjüni toplap, duşmanynyň üstüne
gelmegi ýüregine düwer. Patyşalygyny
heläk etmek üçin, günorta patyşasy bilen
ýaraşyk baglaşar, oňa aýal berer. Emma
demirgazyk patyşasynyň bu guran hilesi
başa barmaz, bu oňa hiç hili peýda ge-
tirmez. 18 Şundan soňra ol ünsüni kenar
ýakasyndaky şäherlere tarap öwrer we
olaryň köpüsini basyp alar. Ýöne bir
serkerde onuň kemsitmeleriniň soňuna
çykar, gopbamsylygy üçin jezasyny be-
rer. 19 Soňra ol öz ýurdunyň galalaryna
tarap öwrüler, ýöne büdräp ýykylar-da,
ýitirim bolar.

20 Demirgazyk patyşasynyň ýeri-
ne patyşalygyň şöhraty üçin salgyt
ýygnamaga iberýänçi biri bolar. Ol hem
birnäçe günden ýok ediler, ýöne bu ne
gahar üsti bilen, ne-de söweş üsti bilen
ýok ediler. 21 Onuň ýerine patyşalyk hor-
matyna mynasyp bolmadyk bir namart
adam peýda bolar. Ol duýdansyz gelip,
patyşalygy mekirlik bilen eline alar.
22 Sil kimin gelip basan goşunlar onuň
öňünden süpürilip aýrylar, hatda äht
hökümdary-da ýeňlişe sezewar bolar.
23 Namart adam ylalaşyk baglaşmak bilen
hile gurar we kiçi goşun bilen güýçle-
ner. 24 Ol welaýata bolçulyk döwründe
duýdansyz baryp, ata-babalarynyň hiç
haçan edip bilmedik işlerini eder. Talaň,
çapawulçylyk edip, oljany öz goşunynyň
arasynda paýlar. Galalaryň garşysyna
dildüwşük gurar, emma bu uzak gitmez.

25 Soňra güýjüni we kuwwatyny
jemläp, ol beýik goşun bilen günorta
patyşasynyň garşysyna çykar. Günorta
patyşasy-da has uly we güýçli goşun
bilen urşa girişer. Emma günorta paty-
şasy özüne garşy gurlan dildüwşükler
sebäpli ýeňiş gazanyp bilmez. 26 Onuň
saçagyndan çörek iýenler ony weýran
ederler. Goşuny dargadylyp, bir topary
urlup öldüriler. 27 Bu patyşalaryň ikisi-
niň-de ýüreginde erbet niýet bolar. Olar
bir saçagyň başynda bile oturyp, ýalan
sözlärler, ýöne bu ýol almaz, çünki mu-
nuň soňy bellenen wagtda geler.

28 Demirgazyk patyşasy uly baýlyk
bilen öz ýurduna dolanar, emma ýüregi
mukaddes ähte garşy bolar. Ol niýetini
amala aşyryp, ýurduna dolanar. 29 Belle-
nen wagtda ol ýene-de günorta öwrülip
geler, emma bu gezek öňki ýaly bolmaz.
30 Kitim gämileri oňa garşy çykar. On-
soň ol ruhdan düşüp, yzyna öwrüler.
Ol gazap atyna atlanyp, mukaddes ähte
garşy hereket eder we mukaddes ähte
hyýanat edenlere hormat goýar. 31 Onuň

iberen goşunlary mukaddes ýeri we
galany eýeläp, olary harama çykararlar.
Olar gündelik ýakma gurbanlygyny
ýatyryp, weýrançylyk getirýän ýigrenji
zady dikerler. [32]Ol ähte hyýanat eden-
leri hilegärlik bilen ýolundan azdyrar,
emma öz Hudaýyna wepaly halk bol-
sa berk durup, oňa garşy hereket eder.
[33]Halkyň arasyndaky akylly adamlar
köp kişilere akyl-paýhas bererler, em-
ma birnäçe günüň dowamynda olary
gylyçdan geçirerler, otda ýakarlar we
sürgün edip talarlar. [34]Ýeňlişe sezewar
bolanlarynda, olara biraz kömek ediler.
Köp adam ýaranjaňlyk bilen olara go-
şular. [35]Galanlaryň ahyrzamana çenli
günälerinden saplanmagy, päklenmegi
we aklanmagy üçin akylly adamlardan
birnäçesi heläk bolar. Çünki entek bel-
lenen möhlete wagt bardyr.

### *Pis patyşa*

[36]Bu patyşa öz islänini eder. Ol özüni
beýgeldip, her bir hudaýdan özüni ýo-
kary tutar. Hatda hudaýlaryň Hudaýyna
garşy küpür geplär. Hudaýyň gazaply
döwri tamamlanýança, patyşanyň işi
rowaçlanar, çünki kabul edilen karar
ýerine ýetmelidir. [37]Ol ata-babalarynyň
hudaýlaryna, hatda aýallaryň iň söýgüli
hudaýyna hem hormat goýmaz. Ol hiç
bir hudaýy sylamaz, ol özüni hemme
zatdan ýokarda saýar. [38]Bulara derek
ol galalaryň hudaýyna hormat goýar.
Ata-babalarynyň tanamadyk hudaýyny
altyn-kümüş, gymmatbaha daşlar we
her dürli sylag-serpaýlar bilen hormat-
lar. [39]Ol keseki hudaýyň kömegi bilen
galalary berkarar eder. Patyşa özüni
hökümdar hökmünde kabul edenleri
has artyk sylaglar, olary köp adamla-
ryň üstünden häkim goýar. Ýurdy olara
baýrak hökmünde paýlar.

[40]Ahyrzaman wagtynda günorta
patyşasy onuň bilen çaknyşar. Emma
demirgazyk patyşasy söweş arabalarydyr
atlylary we birtopar gämileri bilen hara-
sat ýaly onuň üstüne döküler. Ol ýurtlara
garşy söweş edip, olary sil deý basar.
[41]Ol owadan ýurda girer we on müň-
lerçe adam heläk bolar, emma Edomyň,
Mowabyň we Ammonyň ýolbaşçylary
onuň elinden gaçyp gutularlar. [42]Ol ýurt-
lara zarba urar, ondan Müsür ýurdy-da
gaçyp gutulmaz. [43]Ol altyn-kümüş ha-
zynalaryny we Müsüriň ähli baýlygyny
öz ygtyýaryna geçirer. Liwiýalylar we
efiopiýalylar oňa boýun egerler. [44]Emma
gündogardan we demirgazykdan gow-
şan habarlar ony howsala salar. Onsoň
ol gazap atyna atlanyp, köp adamlary
öldürmek we bütinleý ýok etmek üçin
ýola düşer. [45]Ol öz şalyk çadyrlaryny
deňiz bilen owadan mukaddes dagyň
arasynda diker. Emma onuň ömrüniň
soňy geler, oňa kömek eden tapylmaz».

## 12-nji bap

### *Ahyrzaman*

[1]«Şol wagt seniň halkyňy goraýan baş
serdar Mikaýyl öňe çykar. Şonda milletler
döräli bäri görlüp-eşidilmedik jebir-je-
paly döwür geler. Emma şol wagt seniň
halkyňdan ady kitapda ýazylanlaryň
ählisi halas bolar. [2]Topragyň astynda
ýatanlaryň köpüsi oýanar: olaryň kim-
si ebedi ýaşaýşa gowşar, kimsi ebedi
utanja we ýigrenje duçar bolar. [3]Akylly
adamlar asman şöhlesi deýin nur saçarlar,
köp adamlary dogry ýola ündänler hem
ýyldyzlar deý baky hem ebedilik ýagty sa-
çarlar. [4]Emma, sen, Danyýel, ahyrzamana
çenli bu sözleri gizlin sakla we bu kitaby
möhürle. Köp adamlar bilimini artdyr-
mak üçin özlerini ol ýere, bu ýere urarlar».

[5]Soňra men Danyýel seredenimde,
biri derýanyň bu kenarynda, beýlekisi
ol kenarynda duran başga iki adamy
gördüm. [6]Suwuň ýokary akymynda
eginbaşy nepis zygyr matadan edilen
adamdan: «Bu geň zatlaryň soňy haçan
geler?» diýip, olaryň biri sorady. [7]Men
suwuň ýokary akymynda eginbaşy nepis
zygyr matadan edilen adamyň sag hem
çep elini göge galdyryp, baky Ýaşaýa-
nyň adyndan ant içip: «Bir wagta, iki
wagta we ýarym wagta çenli dowam
eder. Mukaddes halkyň güýji soňuna
çenli bütinleý syndyrylandan soňra,
bu zatlaryň ählisi doly tamamlanar»
diýenini eşitdim.

[8]Men eşitdim, ýöne düşünmedim. Şo-
nuň üçin ondan: «Jenabym, bu zatlaryň
soňy nähili bolar?» diýip soradym. [9]Ol
maňa şeýle diýdi: «Danyýel, öz ýoluň
bilen git. Bu sözler ahyrzamana çenli
gizlin saklanyp möhürlener. [10]Köpüsi
günälerinden saplanar, köpüsi päklenip
aklanar, emma ýaramaz adamlar şer
işlerinden dönmezler. Ýaramaz adam-
laryň hiç biri-de düşünmez, ýöne akylly
adamlar düşünerler. [11]Gündelik ýakma
gurbanlygyň ýatyrylyp, weýrançylyk
getirýän ýigrenji zadyň dikeldilen wag-
tyndan başlap, bir müň iki ýüz togsan
gün geçer. [12]Garaşyp, bir müň üç ýüz
otuz bäş güne ýeten adam nähili bagt-
ly! [13]Emma sen ömrüňiň ahyryna çenli
öz ýoluň bilen gidip, rahatlykda gözüňi
ýumarsyň. Ahyrzaman güni täzeden
direlip, sylag-serpaýyňy alarsyň».

# Hoşeýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Hoşeýa pygamber Amos pygamberden soň ýaşan pygamberdir. Ol Hudaýdan gelen ylhamy Demirgazyk Ysraýyl patyşalygynda kabul edýär. Hoşeýa demirgazyk paýtagtyň, ýagny Samariýanyň b. e. öň 721-nji ýylda synmagyndan ozal bolan muşakgatlyk döwründe pygamberlik edýär. Halkyň butparazlyga ýüz urup, Hudaýa dönüklik etmegi Hoşeýa pygamberi örän gynandyrýar. Ol bu dönükligi aýdyň görkezmek üçin, zynagär aýala öýlenýär. Aýalynyň oňa dönüklik edişi ýaly, ysraýyl halky hem öz Hudaýyna dönüklik edýär. Pygamber olaryň şeýle biwepalyklary öz üstlerine jeza bolup injekdigini aýdýar. Emma iň soňunda Hudaýyň Öz halkyna bolan sadyk söýgüsi (2:19; 4:1; 6:4, 6; 10:12; 12:7) Onuň gahar-gazabyndan üstün çykýar. Hudaý söýgüli halkyny Özüne gaýtaryp, gatnaşygy dikeldýär. Hudaýyň sadyk söýgüsi 11:8-de şeýle beýan edilýär: *«Eý, Efraýym, Men senden nädip el çekeýin? Seni nädip terk edeýin, eý, Ysraýyl?... Kalbymda ýüregim gobsundy. Meniň mährim ýylady».*

### *Mazmuny*

Hoşeýa pygamberiň nikasy we maşgalasy........................................ *1:1–3:5*
Ysraýyla garşy pygamberlik ..........................................................*4:1–13:15*
Ysraýyl halky toba edensoň, Reb wada berýär ................................. *14:1-10*

---

### 1-nji bap

1 Ýahudada Uzyýanyň, Ýotamyň,
Ahazyň hem Hizkiýanyň, Ysraýylda
Ýehowaş ogly Ýarobgamyň patyşalyk
eden döwründe, Beýeriniň ogly Hoşeýa
Rebbiň sözi aýan boldy.

*Ysraýyl biwepalyk edýär*

2 Hoşeýa Rebbiň sözüniň başlangyjy:
Reb Hoşeýa: «Git-de, zynagär
aýala öýlen.
Ol saňa başga erkeklerden çaga
dogrup berer.
Çünki bu ýurt Rebden daşlaşyp,
bütinleý zyna edýär» diydi.
3 Onsoň Hoşeýa gidip, Diblaýymyň gyzy
Gomere öýlendi. Ol göwreli bolup, Hoşe-
ýa üçin bir ogul dogurdy. 4 Reb oňa aýtdy:
«Ogluň adyna Ýizregel [a] dak,

---

[a] **1:4** ***Ýizregel*** – seret: 2Pat 9:14-37.

çünki az wagtdan Ýizregeliň
gany üçin,
Ýehunyň nesline jeza bererin,
Ysraýyl patyşalygyny
tamamlaryn.
5 Şol gün Ýizregel deresinde
Ysraýylyň ýaýyny döwerin».
6 Gomer ýene-de göwreli bolup,
gyz dogurdy.
Reb Hoşeýa aýtdy: «Gyzyň
adyna Loruhama [a] dak,
çünki mundan buýana Ysraýyl
öýüne rehim edip günälerini
geçmerin.
7 Ýahuda öýüne welin rehim ederin.
Men olary ýaý, gylyç, uruş, atlar
ýa atlylaryň üsti bilen däl-de,
özleriniň Hudaýy Rebbiň güýji
bilen halas ederin».
8 Gomer Loruhamany süýtden aýransoň,
göwreli bolup, ogul dogurdy. 9 Reb Ho-
şeýa şeýle diýdi:
«Adyna Logammy [b] dak.
Çünki siz-ä Meniň halkym däl,
Menem siziň Hudaýyňyz däldirin.

### Ysraýyl Hudaý bilen ýaraşýar

10 Ysraýyl ogullary deňiz kenaryndaky
çäge ýaly san-sajaksyz
we möçbersiz köp bolar.
Olara: „Siz Meniň halkym
dälsiňiz“ diýlen ýerde,
„siz diri Hudaýyň
ogullarysyňyz“ diýler.
11 Ýahuda we Ysraýyl halklary
ýaňadan birleşer,
özlerine bir baş belläp, ýurtda
güllärler.
Çünki Ýizregeliň güni beýik
bolar».

## 2-nji bap

1 «Siz doganyňyzy: „Meniň
halkym“,
aýal doganlaryňyzy: „Rehim
edilenler“ diýip çagyryň».

### Reb wepasyz Ysraýyly jezalandyrar

2 «Gyjalat beriň ejeňize, gyjalat,
çünki ol Meniň aýalym däl;
Men hem onuň äri däl;
goý, ýüzünden görünýän
zynahorlygy,
teninden azgynlygy aýyrsyn.
3 Aýyrmasa Men ony edil doglan
wagtyndaky ýaly
çuw-ýalaňaç ederin.
Ony boş çöle, gury topraga
öwrerin.
Teşnelikden öldürerin.
4 Çagalaryna-da rehim etmerin,
çünki olar zynadan doglan.
5 Çünki olaryň ejesi zyna etdi
we bilinde çaga galdyryp, özüni
ryswa etdi.
Çünki: „Maňa nan bilen suwumy,
ýüňümi, zygyr matamy,
zeýtun ýagymy hem içgimi
berýän
oýnaşlarymyň yzyndan gitjek“
diýdi.
6 Onuň ýoluna tikenli çäk çekerin,
öz ýodalaryny tapmaz ýaly,
Onuň garşysyna diwar guraryn.
7 Ol oýnaşlarynyň yzyndan
kowalar,
Ýöne olaryň yzyndan ýetip
bilmez.
Olary gözlär, ýöne tapmaz.

---

[a] **1:6** ***Loruhama*** – bu söz *rehim ýok* diýmegi aňladýar. Seret: Msr 34:6.
[b] **1:9** ***Logammy*** – bu söz *Meniň halkym däl* diýmegi aňladýar. Seret: Msr 6:7.

Şonda ol aýdar: „Ilkinji ärimiň
ýanyna dolanaryn,
çünki öňki ýagdaýym
häzirkimden gowudy“.
8 Ýöne ol bilmedi,
gallany, täze şeraby, täzeje ýagy
beren,
Bagal butuna harçlan altynyny,
kümşüni bol eden Men.
9 Şonuň üçin beren gallamy
öz wagtynda Men yzyna alaryn,
öz möwsüminde täze şerabymy
gaýdyp alaryn.
Ýalaňaç bedenini örtýän
ýüňümi,
zygyrymy yzyna alaryn.
10 Indi oýnaşlarynyň öňünde
aýybyny açaryn,
hiç kim ony Meniň elimden
halas etmez.
11 Onuň bar şadyýanlygyny,
baýramlaryny,
Täze Aý baýramyny we Sabat
gününi,
ähli dabaralaryny tamam ederin.
12 Onuň: „Oýnaşlarymyň maňa
beren haky“ diýen
üzümligini, injir baglaryny
weýran ederin.
Men olary jeňňele öwrerin,
haýwanlara iýmit bolarlar.

13 Bagal butuna tütetgi ýakan
günleri üçin,
ony jezalandyraryn.
Şol wagt özüni halkadyr ýüzükler
bilen bezäp,
oýnaşynyň yzyndan kowalady.
Meni bolsa unutdy».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Rebbiň halka söýgüsi*

14 «Şonuň üçin häzir ony ynandyryp,
çöle alyp bararyn,
onuň ýüregini awlaryn.

15 Ol ýerde Men oňa üzüm bagyny
bererin.
Akor[a] deresini Umyt
geçelgesine öwrerin.
Şonda ýaşlyk günlerinde bolşy ýaly,
Müsür topragyndan çykanda
bolşy kimin,
aýdymlar aýdar.

16 Şol gün Meni „Ärim“ diýip
çagyrar.
Mundan beýläk „Bagalym“[b]
diýip çagyrmaz».
Muny Reb aýdýandyr.

17 «Dilinden Bagal butlaryň
atlaryny aýraryn,
olaryň atlaryny gaýdyp
tutmazlar.

18 Şol gün olar üçin
meýdandaky haýwanlar,
asmandaky guşlar,
toprakda ýaşaýan süýrenijiler
bilen äht edişerin.
Ýurtdan ýaýy, gylyjy, söweş
goşunlaryny ýok ederin.
Aman ýaşadaryn olary.

19 Ysraýyl, seni Özüme hemişelik
aýalym hökmünde kabul ederin.
Dogrulyk, adalatlylyk hem
sadyk söýgi,
rehimlilik bilen Özüme alaryn.

---

[a] **2:15** ***Akor*** – bu söz *bela* diýmegi aňladýar.
[b] **2:16** ***Bagal*** – ýewreýçe bu söz *hojaýyn* diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

20 Men seni wepadarlyk bilen alaryn,
sen Meni Reb hökmünde
tanarsyň.

21 Şol gün Men jogap bererin»
Muny Reb aýdandyr.
«Göklere-de jogap bererin.
Olar hem ýere jogap bererler.

22 Ýer galla, täze şeraba we zeýtuna
jogap bererler.
Olar hem Ýizregele [a] jogap
bererler.

23 Halkymy toprakda Özüm üçin
ekerin.
„Rehim etmedige“ rehim ederin.
„Halkym bolmadyga“ sen Meniň
halkym diýerin.
Ol bolsa „Sen meniň
Hudaýymsyň“ diýer».

## 3-nji bap

### *Hoşeýa ýene-de wepasyz aýal alýar*

1 Reb maňa şeýle diýdi: «Sen ýene git-
de, aýalyňy getir. Oýnaşy bolsa-da, zyna
etse-de, ony söý. Ine, ysraýyl halky-da
başga hudaýlara köňül berip, butlara kiş-
mişli külçeleri hödür etmegi halaýarlar.
Emma Men şonda-da olary söýýärin».
2 Men aýaly on bäş kümüş teňňä we on
bäş batman [b] arpa satyn aldym. 3 Men
aýala şeýle diýdim: «Sen maňa uzak
garaşmaly, sen başga bilen azgynçylyk
etme. Men hem saňa ýakynlaşmaryn».
4-5 Çünki ysraýyllar uzak wagtlap patyşa-
syz, hökümdarsyz, gurbanlyksyz, dikme
daşsyz, efotsyz, butsuz ýaşarlar. Şondan
soň ysraýyllar dolanyp, öz Hudaýy Rebbi
hem patyşasy Dawudy gözlärler. Ahyr-
ky günlerde bolsa olar Rebden gorkup,
Hudaýyň ýalkawyna dolanarlar.

## 4-nji bap

### *Reb Ysraýyly aýyplaýar*

1 «Eý, ysraýyl halky, Rebbiň sözüni
eşit,
çünki bu ýurtda ýaşaýanlar
bilen Rebbiň dawasy bar.
Sebäbi ýurtda wepalylyk-da,
söýgi-de,
Hudaýy tanamaklyk-da ýok.

2 Gargyş we ýalançylyk, ganhorlyk,
ogurlyk we zyna.
Jenaýatçylyk artýar we gan
üstüne gan dökülýär.

3 Şonuň üçin toprak hasrat çekýär.
Onda ýaşaýanlar ejizleýärler.
Sähradaky haýwanlar hem asman
guşlary,
hatda deňizdäki balyklar
gyrylýarlar.

4 Hiç kes dawa etmesin.
Hiç kes başgany aýyplamasyn.
Seniň halkyň ruhana garşy
aýyplama getirýäne
meňzeýändir.

5 Sen gündizlikde,
pygamber bolsa gijelikde seniň
bilen büdrär.
Seniň ejeň Ysraýyly ýok ederin.

6 Meniň halkym bilimsizlikden
weýran edilýär.

---

[a] **2:22** ***Ýizregel*** – bu söz *Hudaý ekýär* diýmegi aňladýar.
[b] **3:2** ***On bäş batman*** – ýewreýçe *bir homer we bir lesek*. Bu takm. 300 kg deňdir.

Sen bilimi ret edeniňden soň,
Men seni Maňa ruhany
bolmakdan ret edýärin.
Sen Hudaýyň kanunyny
unudanyňdan soň,
Men-de seniň çagalaryňy
unudaryn.

7 Ruhanylar näçe köpeldigiçe, Meniň
garşyma şonça köp günä etdiler.
Olaryň şöhratyny
masgaraçylyga öwrerin.

8 Ruhanylar Meniň halkymyň
günäsi bilen beslenip,
olaryň köpräk etmiş etmegine
jan çekýärler.

9 Halka nähili bolan bolsa,
ruhanylara-da şeýle bolar.
Men olaryň tutan ýollary üçin
jeza bererin.
Eden işleriniň öwezini gaýtararyn.

10-12 Olar iýerler, ýöne doýmazlar.
Olar zyna ederler, emma
köpelmezler.
Çünki Rebbi terk edip, butlara
çörňeşdiler.
Köne hem täze şerap
halkymyň düşünjesini aýyrýar.
Olar hatda agaç butdan
maslahat soraýarlar!
Olaryň hasasy welilik edýär!
Çünki zynalyk ruhy olary
ýoldan çykardy.
Zyna üçin, öz Hudaýyndan ýüz
öwürdiler.

13 Dagyň depesinde gurbanlyk
kesýärler,
baýyrlarda bolsa sadaka
berýärler.
Dub, derek hem dagdan
agaçlarynyň aşagynda
sadaka edýärler.
Çünki olaryň kölegesi goýy.
Şonuň üçin gyzlaryňyz azgynlyk,
gelinleriňiz bolsa zyna edýärler.

14 Siziň azgynlyk eden
gyzlaryňyza,
zyna eden gelinleriňize jeza
bermerin.
Çünki erkekleriňiz lolynyň
tarapynda bolýarlar.
Seždegähdäki loly bilen
gurbanlyk edýärler.
Düşünjesiz halk bolsa heläk
bolýar.

15 Eý, Ysraýyl, sen zyna etseň-de,
Ýahuda bir günäli bolmasyn.
Siz Gilgala girmäň, Beýtawene
bolsa barmaň.
„Rebden ant içýärin“ diýip
kasam etmäň.

16 Çünki Ysraýyl boýun egmezek
göle ýaly hötjet boldy.
Indi Reb olary otluk ýerde,
giň örüde tokly bakan ýaly
bakyp bilermi?

17 Efraýym butlara ýapyşdy.
Ony goý!

18 Olaryň serhoş oturylyşygy
tamamlanandan soň,
zyna işe geçýärler.
Olaryň serdarlary
masgaraçylygy söýýär.

19 Ýel olary ganatyna orap alar.
Olar gurbanlyklary sebäpli
masgara bolarlar».

## 5-nji bap

1 «Muny eşidiň, eý, ruhanylar.
Dykgat ediň, eý, ysraýyllar!
Gulak as, patyşanyň öýi!
Siziň üstüňizden höküm
çykarylar.

Sebäbi siz Mispada duzak
bolduňyz.
Taborda gurlan tor bolduňyz.

2 Bize gazylan garymy çuňaltdyňyz.
Ýöne Men baryňyzy ýola salaryn.

3 Men Efraýymy tanaýaryn,
Ysraýylam Menden gizlin däldir.
Çünki sen zyna etdiň, eý,
Efraýym.
Ysraýyl hem haramdyr.

4 Bularyň eden işleri Hudaýa
dolanmaga goýmaýar.
Çünki olaryň kalbynda zyna
ruhy bar.
Rebbi hem tanamaýarlar.

5 Ysraýylyň tekepbirligi özüne
garşy şaýatlyk edýär.
Ysraýyl hem Efraýymyň
günälerine büdräp ýykylar.
Ýahuda hem birlikde ýykylar.

6 Ownukly-irili mal-garalary alyp,
Rebbi gözlemäge giderler.
Ýöne Ony tapmazlar.
Çünki Reb olardan çekildi.

7 Olar nikasyz çagalar dogrup,
Rebbe biwepalyk etdiler.
Täze Aý baýramy
olary ekin meýdanlary bilen
ýuwudar.

### *Reb Ysraýyl bilen Ýahuda duýduryş edýär*

8 Gibgada şah çal, Ramada surnaý.
Beýtawende söweş tebilini uruň.
„Biz siziň arkaňyzda, Benýamin“
diýip,
Beýtawende jar çekiň.

9 Efraýym jeza gününde çöle
öwrüler.
Ysraýyl tireleriniň arasynda
Men muny takyk bildirerin.

10 Ýahuda hökümdarlary araçäk
daşyny süýşürýänlere
meňzeýär.
Men olaryň üstünden gazabymy
sil ýaly dökjek.

11 Zulum gördi Efraýym.
Höküm bilen ezildi.
Çünki bilip durubam, boş
hyýalyň yzyndan gitmek
isledi.

12 Şonuň üçin Efraýyma güýe ýaly
bolaryn,
Ýahudanyň neslini çüýrederin.

13 Efraýym keselini,
Ýahuda ýarasyny görende,
Efraýym Aşuryň ýanyna gitdi.
Beýik patyşadan ýardam isledi.
Ýöne ol size şypa berip bilmez,
ýaraňyza em etmez.

14 Men Efraýym üçin bir şir,
Ýahudanyň öýi üçin bolaryn
arslan.
Olary parçalan hut Mendirin.
Süýräp äkiderin,
olary hiç kim halas etmez.

15 Olar günälerini boýun alyp,
Meniň huzurymy ýürekden
agtarýançalar,
hasratly ýagdaýda meni
yzlaýançalar,
Men öz mekanyma giderin».

### 6-njy bap

### *Halkyň ýalan tobasy*

1 «Geliň, Rebbe dolanalyň.
Ol bizi parçalady.
Özi şypa berer.
Bizi ýaralady.
Indi ýaramyzy daňar.

2 Iki günden soňra bizi direlder,
Has takygy – üçünji güni Ol
bizi aýaga galdyrar.
Onuň huzurynda ýaşaryş.

3 Geliň, Rebbi tanalyň, tanamaga
gaýrat edeliň.
Ol daň şapagy ýaly takyk geljek.
Ol ýagyş ýaly bize geljek,
topragy gandyrýan ýaz ýagşy
ýaly ýanymyza geljek».

4 «Eý, Efraýym, saňa näme edeýin?
Eý, Ýahuda, seniň bilen näme
etmeli?
Siziň söýgiňiz säher dumany,
ýerdäki çyg ýaly,
basym ýok bolýar.

5 Şoňa görä Men olary pygamberiň
sözi bilen parçaladym.
Olary agzymdan çykan söz
bilen öldürdim.
Hökümim nur kimin parlaýar.

6 Çünki Men gurbanlygy däl, sadyk
söýgini isleýärin,
Ýakma gurbanlygy däl, Hudaýy
tanamaklygy isleýärin.

7 Olar Adam ata ýaly, ähti bozdular,
ol ýerde maňa biwepalyk etdiler.

8 Gilgat ýamanlaryň şäheri,
gana boýalan aýak yzlaryndan
doludyr.

9 Garakçylar adamy nähili
peýleýän bolsa,
Ruhanylaryň topary-da şeýle.
Şekem ýolunda ganhorlyk edip,
erbet jenaýata ulaşýarlar.

10 Ysraýyl öýünde bir gorkunç zat
gördüm:
Şol ýerde Efraýym zyna batdy.
Ysraýyl haram edildi.

11 Men halkymyň öňki
abadançylygyny gaýtaryp
berenimde,
Seniň üçin jeza güni taýýar
bolar, eý, Ýahuda».

### 7-nji bap

1 «Men Ysraýyla em etjek bolsam,
Efraýymyň günäleri,
Samariýanyň pislikleri aýan
bolar.
Çünki olar hile gurýarlar.
Öýlere ogry girýär,
köçede talaňçylyk edýärler.

2 Olaryň ähli pislikleri Meniň
ýadymda.
Olar muňa üns bermeýärler.
Indi olary eden işleri gurşaýar.
Eden işleri gözümiň öňündedir.

3 Olar pisligi bilen patyşasyny,

ýalançylygy bilen
emeldarlaryny
şatlandyrýarlar.

4 Olaryň hemmesi zynagärdirler,
Çörekçiniň tamdyry ýaly
gyzgyndyr.
Ýugrulan hamyr ajaýança
bişirijä ody gorjamak
gerek däl.

5 Patyşanyň meýlis gününde
emeldarlar şerabyň gyzgynyna
huşuny ýitirýärler.
Patyşa ýaman iş edýänler bilen
el-ele berýär.

6 Olar hile bilen oňa ýakynlaşýar.
Olaryň gazaby gijäniň soňuna
çenli ýanýar.
Irden bolsa ýalynly ot ýaly
gahary tutaşýar.

7 Olaryň barysy tamdyr ýaly
gyzgyn
Öz hökümdarlaryny heläk
edýärler.
Olaryň patyşalarynyň barysy
ýykyldy.
Hiç biri Meni çagyrmaýar.

8 Efraýym başga halklar bilen
garyşýar.
Efraýym bir ýüzi bişmedik petir
ýalydyr.

9 Onuň güýjüni özgeler iýýär.
Parhyna barmady.
Saçyna çal sepildi.
Muny bilmeýär.

10 Ysraýylyň tekepbirligi özüne
garşy şaýatlyk edýär.
Şonda-da olar öz Hudaýy Rebbe
dolanmaýarlar.
Barybir Ony gözlemeýärler.

11 Efraýym samsyk we akylsyz
gögerçin ýaly,
ýa müsürlileri çagyrýar,
ýa Aşura gidýär.

12 Olar gidýärkäler Men torumy
olaryň üstüne taşlaryn.
Asmanyň guşlary ýaly olary
aşak indererin.
Olara pis işleri üçin temmi bererin.

13 Olaryň dat gününe! Çünki
Menden daşlaşdylar.
Bela insin başlaryna! Çünki
Maňa garşy baş göterdiler.
Men olary halas ederdim.
Ýöne olar Men barada ýalan söz
aýtdylar.

14 Ýüreklerinden maňa perýat
etmeýärler.
Düşegiň üstünde ýatyp
uwlaýarlar.
Galla ýa-da täze şerap üçin tenine
ýara salýarlar.
Menden bolsa ýüz öwürýärler.

15 Men olara nesihat berdim. Ellerine
güýç-kuwwat berdim.
Ýöne olar Maňa garşy ýamanlyk
niýetlediler.

16 Olar ýok zada ýüz tutýarlar.
Olar ygtybarsyz ýaýa
meňzeýärler.
Olar zäherli dilinden, emeldarlary
gylyçdan ýykylar.
Munuň üçin Müsürde olaryň
üstünden güljekler».

## 8-nji bap

*Ysraýyl Rebbi ret edýär*

1 «Surnaýy dodagyňa ýetir.
Çünki çaýkel Rebbiň öýüniň
üstünden aýlanýar.
Olar Meniň ähtimi bozdy,
kanunyma garşy çykdylar.

2 „Hudaýymyz, biz – Ysraýyl Seni
tanaýarys“ diýip,
Maňa perýat edýärler.

3 Ysraýyl ýagşylygy ret etdi.
Duşman ony yzarlar.

4 Menden soraşman, özlerine
patyşalar bellediler.
Menden soragsyz serdarlary
seçdiler.
Kümüşden, altyndan özlerine
weýrançylyk getirýän butlar
ýasadylar.

5 Eý, Samariýa, Men seniň göle
butuňy bütinleý ret etdim.
Meniň gazabym olaryň
garşysyna alawlady.
Haçana çenli olar päk bolup
biljek däl?

6 Çünki bu but Ysraýylyň işidir.
Ony ussa ýasady. Ol Hudaý
däldir.
Samariýanyň gölesi bölek-bölek
bolar.

7 Olar ýel ekip, tupan orarlar.
Sümmülsiz bugdaý un bermez.
Hasyl beräýse-de, özgeler iýer.

8 Ysraýyl ýuwudylandyr.
Olar başga milletleriň arasynda
dereksiz gap bolup galdy.

9 Olar ýeke aýlanýan gulan ýaly,
Aşura gitdiler.
Efraýym özüne oýnaşlary satyn
aldy.

10 Olary başga halklar ýaran
bolmaga satyn alsa,
Men olary toplap ýygnaryn.
Olar tizara beýik patyşanyň
salgydyndan sandyrarlar.

11 Efraýym günä gurbanlyk
bermäge,
köp gurbanlyk sypalaryny gurdy.
Bu gurbanlyk sypalary günä
mesgeni boldy.

12 Näçe köp kanunlar ýazsam,
olar muny ýat zat hasap edýärler.

13 Maňa gurbanlyklar getirýärler,
gurban kesýärler, ýöne eti özleri
iýýärler.
Reb olardan razy däldir.
Indi olaryň günäleri ýatlanar.
Etmişlerine görä jeza berler.
Olar Müsüre dolanarlar.

14 Ysraýyl özüni Ýaradany unutdy.
Özüne köşkler gurdy.
Ýahuda hem galalary köpeltdi.
Ýöne Men olaryň şäherine ot
göndererin.
Galalaryny ot ýuwudar».

## 9-njy bap

1 «Eý, Ysraýyl, şatlanma, beýleki
halklar ýaly joşma.
Çünki sen zyna edip,
Hudaýyňdan uzaklaşdyň.

Hemme harman ýerlerinde sen
zynanyň muzduna göwün
berdiň.

2 Ne däne, ne şerap size ýeter.
Siziň täze şeraba bolan
umydyňyz puja çykar.

3 Siz Rebbiň topragynda
ýaşamarsyňyz.
Efraýym Müsüre dolanjak.
Aşurda haram zatlar iýersiňiz.

4 Ysraýyl halky içgi sadakasyny
Rebbe bermez.
Gurbanlyklaryndan Ol razy
bolmaz.
Onuň nany ýashana ýeriniň
çöregi ýaly,
ondan iýenler haram bolarlar.
Çünki olaryň nany diňe garyn
doýurmak üçindir.
Ol Rebbiň öýüne getirilmez.

5 Baýramçylyk gününde,
Rebbe dabara gününde näme
edersiňiz?

6 Olar weýrançylykdan
gutulsalar-da,
Müsür olary ýygnap alar.
Memfis şäheri olary gabra gömer.
Kümüş hazynasyny demirtiken
örter.
Çadyrlarynda ýandak biter.

7 Olaryň jeza günleri geldi.
Olaryň hasap bermeli günleri
ýetdi.
Ysraýyl muny bilsin.
Etmişleriniň agyr bolany üçin,
ýigrenjiniň köplüginden,
pygamberi „akmak“,
Ruhdan dolanlary bolsa „däli“
saýdylar.

8 Pygamber meniň Hudaýymyň
Efraýymda goýan
garawulydyr.
Ýöne onuň ugran ýollarynda
duzak gurdular.
Hudaýyň öýünde-de oňa
ýigrenç bar.

9 Gibga günlerinde bolşy ýaly,
Olar agyr heläkçilige düşdüler.
Ol etmişlerini ýatlar.
Olaryň etmişlerine görä jeza bar.

10 Çölde üzüm tapan ýaly, Men
Ysraýyly tapdym.
Ilkinji miwe beren injir agajyny
gören ýaly,
Men ata-babalaryňyzy gördüm.
Ýöne olar Bagalpegor
dagyndaky butuna sežde
edenlerinde,
özlerini ryswaçylyga urdular.
Göwün beren zatlary ýaly
ýigrenji boldular.

11 Bir guş kimin Efraýymyň şöhraty
uçup gider.
Olardan çaga önmez, ne hamyla
bolar, ne-de göwrede çaga
galar.

12 Çagalaryny ýetişdirse-de,
balalaryny ellerinden alaryn.
Men olary terk edenimde,
olaryň dat gününe!

13 Men Efraýymy Sur galasy ýaly,
otluk ýaýlada gördüm.
Emma Efraýym öz ogullaryny
jelladyň eline berjek».

14 Ber olara, Reb! Näme berersiň?
Aýallaryna önelgesiz ýatgy,
süýtsüz göwüs ber.

15 Reb diýýär: «Olaryň Gilgaldaky
ýaramaz işleri üçin,
şol ýerde olary ýigrendim.
Men olary öýümden kowaryn.
Indi Men olary halamaryn.
Bar hökümdary Maňa garşy baş
göterdiler.

16 Efraýym keselledi, köki gurady.
Olar miwe bermezler.
Çaga dogursalar-da, Men eziz
çagalaryny öldürjek».

17 Meniň Hudaýym olary ret eder.
Çünki Ony diňlemediler.
Olar milletler arasynda
sergezdan bolarlar.

## 10-njy bap

1 Ysraýyl bir gür şahaly üzüm
agajydy, bol-bol miwe getirdi.
Miwesi artdygyça, şonça köp
gurbanlyk sypasyny gurdy.
Topragy bereketli boldugyça,
dikme daşlaryny bezedi.

2 Olaryň ýüregi ýalançylykdan
doldy.
Ýazyklaryna görä jeza alarlar.
Reb olaryň gurbanlyk sypalaryny
dargatjak,
dikme daşlaryny syndyrjak.

3 Olar aýdarlar: «Bizde patyşa ýok,
Rebden gorkmaýarys.
Patyşa bolsa-da, bize näme edip
bilerdi?»

4 Boş gepleýärler, ýalan kasam
bilen äht edişýärler.
Şoňa görä-de «adalatly» işleri
zäherli ot ýaly,
sürlen meýdanda birden peýda
bolýar.

5 Samariýada ýaşaýanlar
Beýtaweniň gölesi üçin
gorkýarlar.
Ilaty onuň üçin ýas tutar.
Onuň şöhraty bilen joşan
butparaz ruhanylar aglaýarlar.
Çünki şöhraty ondan gitdi.

6 Göle beýik patyşa üçin sowgat
bolup, Aşura äkidiler.
Efraýym masgaralanar,
Ysraýyl agaç butundan uýada
galar.

7 Samariýa öz patyşasy bilen
suwuň ýüzündäki çybyk ýaly
akyp gider.

8 Ysraýylyň günäsi bolan
Awendäki [a] seždegähler ýok
ediler.
Olaryň gurbanlyk sypalarynda
ýandak hem gyzgan biter.
Olar daglara: «Bizi örtüň!»,
baýyrlara: «Biziň depämize
iniň!» diýerler.

9 «Eý, Ysraýyl, Gibga günlerinden
bäri günä etdiňiz.
Olar şol taýda günälerini
dowam etdiler.
Pislik edýänlere garşy uruş
Gibgada siziň üstüňizi
basmazmyka?

---

[a] **10:8** ***Awen*** – bu söz *pislik ýeri* diýmegi aňladýar.

10 Men islän wagtymda olara temmi
bererin.
Öz etmişine iki esse daňlan
wagtynda,
milletler olaryň garşysyna
birleşerler.

11 Efraýym harman döwmegi
söýýän öwrendikli gölä
meňzeýärdi.
Men onuň owadan boýnuna
boýuntyryk salmadym.
Indi Efraýyma boýuntyryk salaryn.
Ýahuda ýer sürer,
Ýakup bolsa mala basar».

12 Özüňiz üçin dogrulyk ekip,
sadyk söýgi hasylyny oruň.
Tarp ýeriňizi işläň.
Çünki Rebbe dileg etmek wagty
geldi.
Ol dogrulygy üstüňize ýagdyrar.

13 Siz etmiş ekip, adalatsyzlyk
orduňyz.
Ýalanyň miwesinden iýdiňiz.
Çünki siz öz ýoluňyza hem
söweşijileriň köplügine
baýryndyňyz.

14 Halkyň arasynda uruş gopguny
dörär.
Şalmanyň söweş gününde
Beýtarbeli weýran edip,
eneler bala-çagalary bilen
parçalanyşy ýaly,
ähli galalaryň haraba öwrüler.

15 Eý, Beýtel, pisligiňiziň köpdügi
üçin,
size hem şeýle ediler.
Daň atanda ysraýyl patyşasy
bütinleý heläk bolar.

## 11-nji bap

### *Reb öz halkyny söýýär*

1 «Ysraýyly ýaş wagtynda söýdüm,
ony – oglumy Müsürden
çagyrdym.

2 Olar çagyryldygyça,
Menden şonça uzaklaşdylar.
Bagal butuna gurbanlyk berdiler,
butlara ýakymly ysly tütetgi
ýakdylar.

3 Efraýyma ýöremegi Men öwretdim,
golumda göterdim olary.
Meniň aladamy olar bilmediler.

4 Olary ynsanperwerlik ýüpleri,
söýgi baglary bilen Özüme
çekdim.
Boýunlaryndan
boýuntyryklaryny galdyrdym.
Eglip olara iýmit berdim.

5 Olar Müsüre dolanarlar.
Aşur olara patyşalyk eder.
Çünki olar tobany terk etdiler.

6 Galalarynda gylyç ýalawlanyp,
derweze gözeneklerini gyrar,
olary niýeti-pälleri sebäpli ýok
eder.

7 Menden dänmek pikiri halkymyň
ýüregine kök urdy.
Beýik Hudaýy çagyrsalar-da,
olara hiç medet bermez.

8 Eý, Efraýym, Men senden nädip
el çekeýin?
Seni nädip terk edeýin, eý,
Ysraýyl?

Adma galasynda bolanlary saňa
nädip bereýin?
Seboýym galasyna edenimi
saňa-da edeýinmi?
Kalbymda ýüregim gobsundy.
Meniň mährim ýylady.

9 Gyzgyn gazabymy başyňyza
indermerin.
Efraýymy ýaňadan weýran
etmerin.
Çünki Men ynsan däl,
Hudaýdyryn.
Siziň araňyzda Mukaddes
Bolan.
Men gazap bilen gelmerin.

10 Reb arslan ýaly nagra çeker.
Olar Rebbiň yzyna eýererler.
Nagra çekende, Onuň çagalary
günbatardan titreşip geler.

11 Müsürden guş ýaly,
Aşurdan gögerçin ýaly titreşip
gelerler.
Olary öýlerine eltip goýaryn».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Ysraýyla we Ýahuda garşy hüküm çykar*

12 Efraýym ýalançylyk, Ysraýyl
hile-mekirlik bilen daşymy
gurşady.
Ýahuda bolsa heniz Hudaý bilen
ýöreýär.
Mukaddes Bolana sadyk bolýar.

## 12-nji bap

1 Efraýym ýel bilen naharlanýar.
Uzakly gün gündogardan gelen
ýeli kowalaýar.
Ýalançylygy, zulumy artdyrýar.
Aşur bilen şertnama baglaşyp,
Müsüre zeýtun ýagyny
gönderýär.

2 Ýahuda bilen Rebbiň dawasy bar.
Tutan ýoluna görä Ýakuba
jezasyny berjek.
Edenini garşysyna gaýtarjak.

3 Ene garnyndaka, Ýakup öz
doganynyň ökjesinden tutdy.
Ýetişen çagynda Reb bilen
göreşdi.

4 Perişde bilen göreşip, ýeňdi.
Aglap onuň göwnüni tapjak
boldy.
Hudaý ony Beýtelde tapdy.
Şol ýerde biziň bilen gepleşdi.

5 Hökmürowan Hudaý – Reb
Onuň tanalýan adydyr!

6 Indi sen Hudaýyň kömegi bilen
oňa dolan.
Sadyk söýgini we adalatlylygy
saklap,
hemişe öz Hudaýyňa umyt
baglap göz dik.

7 Efraýym täjirdir,
elindäki galp terezisi bilen
aldamagy söýýär.

8 «Men baýadym – diýer Efraýym.
– Özüm üçin gor topladym.
Men näme iş edenem bolsam, hiç
kim menden günä tapmaz».

9 «Hudaýyň Reb Mendirin.
Seni Müsürden çykardym.
Baýramçylyklarda bolşy ýaly,
seni ýene çadyrda ýaşadaryn.

10 Men pygamberlere gepledim,
Men köp aýanlyk gönderdim.
Pygamberleriň üsti bilen
tymsallar berdim».

11 Gilgatda etmiş bar,
olaryň halky nämynasyp.
Gilgalda öküzleri gurbanlyk
etdiler.
Şol sebäpli olaryň gurbanlyk
sypasy
sürlen meýdandaky daş
üýşmegi ýaly bolar.

12 Ýakup Siriýa ýurduna gaçdy.
Ysraýyl ol ýerde aýal almak
üçin hyzmat etdi.
Öýlenmäge goýun bakdy.

13 Reb pygamber arkaly Ysraýyly
Müsürden alyp çykdy.
Pygamber üsti bilen ony gorady.

14 Efraýym Taňryny berk
gazaplandyrdy.
Şonuň üçin Taňry dökülen gany
onuň başyna getirer.
Onuň masgara işini özüne
gaýtarar.

## 13-nji bap

### *Rebbiň gazaby*

1 Efraýym geplände, adamlar
titreşdi.
Onuň Ysraýylda mertebesi
beýgeldi.
Ýöne Bagal butuna sežde
etmekden günäli bolup öldi.

2 Indi günä üstüne günä edýärler.
Kümüşden özlerine butlar
edinýärler.
Butlar ussatlyk bilen ýasalýar.
Hemmesi ussanyň işidir.
Adamlara: «Gurbanlyk etsinler!
Göleleri öpsünler» diýýärler.

3 Şonuň üçin olar säherki ümür
ýaly,
basym guraýan çyg ýaly,
harmandan sowrulýan harpyk
dek,
tüýnükden çykýan tüsse ýaly
boljaklar.

4 «Seni Müsürden çykaran
Hudaýyň Reb Mendirin.
Menden başga hudaýy tanamaly
dälsiň.
Menden başga halasgär ýokdur!

5 Çölde, gurak toprakda
saňa göz-gulak bolan Mendirin.

6 Meniň naharymdan, olar doýdular.
Doýandan soň olar tekepbir
boldular.
Soň olar Meni unutdylar.

7 Şonuň üçin men olara arslan ýaly
bolaryn.
Gaplaň kimin ýoluň
ýakasynda,
bukuda garaşaryn.

8 Çagalaryndan aýrylan aýy ýaly
topularyn,
olaryň döşüni çekelärin.
Ene arslan kimin olary iýip
gutararyn.
Wagşy haýwan ýaly olary
parçalaryn.

9 Men seni ýok ederin, eý, Ysraýyl.
Kim saňa kömek eder?

10 Seni halas eder ýaly,
seniň patyşaň nirede?
Sen: „Maňa patyşa hem
hökümdar ber“ diýipdiň.
Seniň şäherleriňdäki
hökümdarlar nirede?

11 Men gaharly wagtymda saňa
patyşa berdim.
Gazabym joşanda bolsa
aýyrdym.

12 Efraýymyň etmişleri baglandy.
Günäleri saklanyp goýuldy.

13 Ol akylsyz oguldyr.
Burgy azaby başlanda –
wagty gelende, ol ýatgydan
çykmaýar.

14 Men ölüler dünýäsiniň
gazabyndan gutarmaýynmy
olary?
Olary ölümden halas
etmäýinmi?
Eý, ölüm, hany seniň gyrgyn
keseliň?
Eý, ölüler dünýäsi, hany seniň
weýrançylygyň?
Nazarymdan rehimi aýraryn.

15 Efraýym doganlarynyň arasynda
barly-barjamly bolsa-da,
Gündogardan epgek,
çölden Rebbiň ýeli öwser.
Onuň çeşmesi kesiler,
guýusy gurap galar.
Hazynasyndan şaý-sepleri
talanar».

## 14-nji bap

1 Samariýa halky öz günäsiniň
jezasyny çeker.
Çünki Hudaýa garşy çykdylar.
Olar gylyçdan heläk bolarlar.
Balalary ýere ýazylyp
parçalanar.
Hamyla aýallarynyň garny
ýarylar.

### *Toba ýalkanyş getirýär*

2 Eý, Ysraýyl, Beýik Hudaýyňa
dolan.
Sen etmişleriň sebäpli büdrediň.

3 Şu dileg bilen Rebbe dolanyň.
«Bar etmişlerimizi geç.
Ýagşy dileglerimizi kabul et.
Öküz gurbanlygyna derek
alkyş gurbanlygyny hödür
ederis.

4 Aşur bizi halas edip bilmez.
Söweşe atlanmarys.
Indi el bilen ýasan işimize
„hudaýymyz“ diýmeris.
Çünki ýetim Senden merhemet
tapýar».

5 «Olaryň biwepalygyna melhem
ederin.
Men olary çäksiz söýerin.
Çünki Meniň gazabym olardan
sowuldy.

6 Men Ysraýyla ýeriň çygy ýaly
bolaryn.
Ol liliýa güli ýaly açylar.
Liwan kedri kimin kök urar.

7 Ol pudak ýaýradar.
Owadanlygy zeýtun agajy ýaly
bolar.
Liwanyň kedr agajy deýin
ýakymly ys saçar.

8 Olar dolanyp, Meniň saýamda
ýaşarlar.
Bugdaý kimin bol bolarlar.
Üzüm ýaly güllärler.
Olaryň ysy Liwan şeraby ýaly
bolar.

9 Eý, Efraýym, butlar bilen işim
ýok.
Dilegiňe jogap berip,
ybadatyňa seredýän Mendirin.
Men mydam ýaşyl serwi
ýalydyryn.
Seniň bar miweleriň Menden
geler».

10 Kim paýhasly bolsa, bu sözlere
düşünsin.
Kim düşünjeli bolsa, olary bilsin.
Çünki Rebbiň ýollary düzdür.
Dogruçyllar ol ýoldan gidýärler.
Erbetler ol ýollarda büdreýärler.

# Ýowel pygamberiň kitaby

## Giriş

Ýowel pygamber barada aýdara maglumat az bolup, onuň haçan ýaşandygy anyk mälim däldir. Çaklamalara görä, *Ýowel pygamberiň kitaby* b. e. öň V ýa-da IV asyra, ýagny Pars patyşalygynyň dünýä agalyk süren döwrüne degişlidir. Pygamber süri-süri çekirtgeleriň elhenç çozuşyny we ondan soň Palestina ýurduna düşen gurakçylygy suratlandyrýar. Ol çekirtgeler tymsalynda Rebbiň gününiň golaýlaýandygynyň nyşanyny görýär. Pygamber Hudaýyň emrine garşy çykýanlaryň Rebbiň gününde jezalandyryljakdygy barada pygamberlik edýär. Ol Hudaýyň adamlary toba etmäge çagyrýandygyny aýdýar. Hudaý Öz halkyny galkyndyryp, ony ýalkajakdygyny wada edýär. Ol ähli adamlaryň: erkeklerdir aýallaryň, ýaşlardyr garrylaryň üstüne Öz Ruhuny dökjekdigini Ýowel pygamber arkaly aýdýar (2:28-38).

***Giriş***


Çekirtgeler belasy .......... *1:1–2:17*
Galkynyş wadasy .......... *2:18-27*
Rebbiň güni .......... *2:28–3:21*


---

**1-nji bap**

1 Petuwalyň ogly Ýowele Rebbiň şu sözi aýan boldy:

***Leşger hüjüm edýär***

2 Eý, ýaşulular, diňläň siz muny,
siz hem gulak goýuň, tutuş ýurduň ilaty:
siziň günleriňizde ýa atalar döwründe,
heý-de, bolupmydy şular ýaly zat?
3 Siz muny ýetiriň çagalaryňyza,
olar hem aýtsyn öz çagalaryna,
olaryň çagalary-da indiki nesle.
4 Ýumurtgadan çykan çekirtgeden artan hasyly
ganat baglamadyk çekirtge iýdi.
Ondan artany ganat baglan çekirtge iýdi,
ganat baglan çekirtgeden artan hasyly
gemriji çekirtge sürüsi iýdi.
5 Eý, serhoşlar, aýňalyň-da, aglaň siz,
täze şerap üçin nalaň, ony içýänler,
çünki täze şerap agzyňyzdan kesildi.
6 Sebäbi meniň topragyma ummasyz,
güýçli bir leşger çozdy;
arslanyňky ýaly onuň dişleri,

ene ýolbarsyňky deý gyýyk dişleri.
7 Ol weýran etdi üzüm şahalarymy,
çapym-çapym etdi injir agaçlarymy,
şahalarynyň gabygyny sypyryp, ýere taşlady;
üzüm şahalary-da agaryp galdy.
8 Söýgüli adaglysyny ýitirip,
jul geýnen gyz kimin ah çekip, nala!
9 Rebbiň öýünden kesildi indi
galla hem-de içgi sadakalary.
Rebbe hyzmat edýän ruhanylar tutýarlar ýasy.
10 Meýdanlar boşady, toprak aglaýar,
çünki weýran boldy onuň gallasy.
Şerap gurap galdy, zeýtun-da soldy.
11 Eý, daýhanlar, arpa-bugdaý üçin gamlanyň,
üzüm bagbanlary, ses edip aglaň,
çünki weýran boldy meýdan gallasy,
12 gurap galdy üzüm agajy,
solup galdy injir agajy.
Nar, alma, hurma –
meýdandaky baglaryň gurady bary.
Gutardy şol sebäpden ynsan şatlygy.
13 Eý, ruhanylar, jul guşanyň, ýas tutuň!
Eý, gurbanlyk sypasynda hyzmat edýänler,
dat-perýat ediň!
Eý, Hudaýymyň hyzmatkärleri,
gijäňizi jul içinde geçiriň!
Çünki galla, içgi sadakalary
kesilendir Hudaýyňyzyň öýünden.
14 Agyz beklemäge belläň siz wagty,
jar ediň mukaddes ýygnanyşygy.
Ýaşulylary hem-de tutuş ýurduň halkyny
ýygnaň Beýik Hudaýyňyzyň öýüne
hem-de Rebbe dat-perýat ediň.
15 Dat ol güne!
Çünki Rebbiň güni ýakyndyr.
Gudratygüýçlüden
Weýrançylyk güni kimin gelýär ol.
16 Eýsem gözümiziň alnynda iýjegimiz,
Hudaýymyzyň öýünden-de
şatlykdyr bagtyýarlyk kesilmeýärmi?
17 Tohumlar çüýredi kesek astynda,
ammarlar hem gugaryp galdy,
galla ammarlary çagşap dagady,
çünki galla ekinleri hasyl bermedi.
18 Mal-gara neneňsi zaryn yňranýar!
sygyr sürüleri yranyp barýar,
çünki olar üçin ýokdur ýaýlalar;
goýun sürüleri-de ysgyndan düşen.
19 Ýa Reb, Saňa dat-perýat edýän,
çünki ýaýlalary ot ýalmap ýuwutdy,
meýdan agaçlarynyň baryny
ýalyn köýdürdi.
20 Saňa perýat edýär hatda çöl haýwanlary,
çünki gurap galdy suw akarlary,
ot hem ýalmap ýuwutdy gök ýaýlalary.

### 2-nji bap

1-2 Sionda[a] surnaý çalyň,
Meniň mukaddes dagymda
howpuň abanýandygyny duýduryň.

[a] **2:1-2** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

Goý, ýurduň tutuş ilaty
gorkudan sandyrasyn,
çünki Rebbiň güni ýetip gelýär –
garaňkylyk hem-de zulmat
güni ol.
Bulutly hem tüm garaňky
gündür ol.
Köp sanly hem güýçli bir leşger,
daglara ýaýraýar daň
şapagy deý.
Owaldan bäri onuň deňi-taýy
bolmandy,
soňky nesillerden hem ol deýin
bolmaz.
3 Onuň öňünden ot
ýalmap-ýuwudýar,
yzyndan-da ýalyn köýdürýär.
Öň ýanynda toprak Erem
bagy deý,
yz ýanynda – tozap ýatan
beýewan.
Ondan hiç zat gutulyp-da
bilmeýär.
4 Olaryň sypaty atlaryňky deý,
bedewler deý hüjüm edýärler.
5 Olar söweşe taýýar güýçli leşger
dek,
şöweş arabalarynyň
takyrdaýşy dek,
samany ýandyrýan ýalnyň
şatyrdaýşy dek,
dag depelerinden böküp aşýarlar.
6 Halklar dowla düşýär olaň
öňünde,
ýüzleri-de gorkudan ak tama
dönýär.
7 Olar söweşiji deý hüjüm edýärler,
esgerler deý dyrmaşýarlar diwara.
Hersi barýar öňe öz ugry bilen,
sowulmaýar olar öz ýodasyndan.
8 Iteklemeýärler birek-biregni,
ýöreýär öz ýodasyndan her biri.
Ähli bölwetleri böwsüp geçýärler,
olaryň badyny saklap bolmaýar.
9 Olar şähere tarap okdurylýarlar,
diwarlaryň ýüzünden ylgaýarlar,
dyrmaşyp, jaýlara aralaşýarlar,
ogry kimin penjirelerden
girýärler.
10 Olaryň öňünde ýer endireýär,
asman bolsa lerzana gelýär,
Günüň, Aýyň ýüzi garalýar,
ýyldyzlar hem şöhlesini gizleýär.
11 Reb Öz leşgeriniň öňünde
batly seslenýär.
Neneňsi köp sanly Onuň leşgeri!
Onuň buýrugyna tabyn
bolýanlaryň ýokdur hasaby.
Dogrudan-da, Rebbiň güni
beýikdir,
elhençdir şübhesiz – çydajak
barmy?
12 Reb heniz şuny aýdýandyr:
«Agyz bekläp, aglap, ýas tutup,
tutuş ýüregiňiz bilen Maňa
öwrüliň.
13 Eşikleriňize derek ýürekleriňizi
parçalaň,
Hudaýyňyz Rebbe dolanyp geliň».
Ol merhemetli hem rehimli,
giň göwünli, sadyk söýgä baý,
Ol jeza bermekden el çekmäge
taýýar.
14 Kim bilýär, belki, ýüz öwürmän,
eder rehimi,
Özünden soň goýar berekedini,
hatda Hudaýyňyz Rebbe
berilýän
galladyr içgi sadakalaryny?
15 Sionda çalyň surnaýy,
jar ediň mukaddes ýygnanyşygy,
Agyz beklemäge belläň siz
wagty,
16 Halky ýygnap, jemagaty tämizläň,
ýaşululary hem çagalary,
hatda emýän bäbekleri çagyryň.

Goý, öýlenýän ýigit öz
otagyndan,
gelin-de öz tutusyndan
çyksynlar.
17 Girelge bilen gurbanlyk
sypasynyň arasynda
Rebbe hyzmat edýän ruhanylar
aglasyn.
Diýsinler: «Öz halkyňa rehim
eýle, Reb,
halklara gülki bolmazlyk üçin,
Sen etme masgara saýlan halkyňy.
„Olaryň Hudaýy nirede?“ diýlip,
milletler arasynda aýdylmagy
gerekmi?»

### *Reb Öz halkyny ýalkajak*

18 Reb şonda gabandy Öz topragyny
hem-de Öz halkyna indi rehimi.
19 Reb jogap berip, diýdi halkyna:
«Ine, Men size iberýän:
gallany, şeraby, zeýtun ýagyny.
Doýup-ganyp iýersiňiz olardan.
Mundan beýläk milletler
arasynda
Men sizi etmerin indi masgara.
20 Men demirgazyk leşgerini
sizden uzaklaşdyryp,
äkiderin ony suwsuz boş ýere,
gündogar deňzine – onuň öňüni,
günbatar deňzine – onuň ardyny.
Göteriler göge maslyk yslary,
elhepus, ol etdi beýik işleri!
21 Eý, toprak, gorkmagyn,
şatlan hem begen.
Sebäbi Reb etdi beýik işleri!»
22 Gorkmaň siz, eý, çöl haýwanlary,
sebäbi ýaşyldyr çöl ýaýlalary.
Baglar getirýär öz miwesini,
zeýtun hem-de üzüm berýär
bol hasylyny.
23 Eý, Sion perzentleri, begeniň,
Beýik Hudaýyňyzda şatlanyň!
Çünki adalat üçin,
Ol güýz ýagşyny ýagdyrdy;
Ol size bolelin ýagşy eçildi.
Ozal bolşy ýaly ýagdyrdy,
güýz hem-de ýaz ýagyşlaryny.
24 Harmanlar dolar galladan,
çelekler hem dolup-daşarlar
täze şerap bilen zeýtun
ýagyndan.
25 «Men üstüňize iberen ägirt
leşgerimiň:
ganat baglamadyk, ganat
baglan,
ýumurtgadan çykan
we gemriji çekirtge sürüsiniň
hasyly iýip gutaran ýyllarynyň
öwezini dolaryn.
26 Siziň iýjegiňiz bolelin bolar,
olardan gerk-gäbe doýarsyňyz;
siziň üçin ajaýyp işleri eden
Hudaýyňyz Rebbiň adyna
alkyşlar aýdarsyňyz.
Meniň halkym gaýdyp
utandyrylmaz.
27 Siz Meniň Ysraýylyň
arasyndadygymy,
Beýik Hudaýyňyzyň
Mendigimi,
özgäniň-de ýokdugyny bilersiňiz.
Meniň halkym gaýdyp
utandyrylmaz».

### *Rebbiň güni*

28 «Şondan soň Men her bir ynsan
üstüne
Öz Ruhumy dökerin.
Pygamberlik eder oguldyr
gyzlaryňyz,
düýşler görer garrylaryňyz,
aýanlyk alarlar ýigitleriňiz.
29 Şol günlerde Men hatda gullardyr
gyrnaklaryň üstüne,
Öz Ruhumy suw kimin dökerin.

[30] Men asmanda we ýerde alamatlar: gan,
ot hem-de tüsse sütünlerini görkezerin.
[31] Rebbiň beýik we gazaply güni gelmez-
den ozal, Gün tümlüge, Aý hem gana
döner. [32] Şonda Rebbi çagyran her bir
ynsan halas ediler, çünki Rebbiň aýdyşy
ýaly, gaçyp gutulanlar Sion dagynda we
Iýerusalimde bolar, aman galanlaryň
arasynda Rebbiň çagyranlary-da bolar».

## 3-nji bap

### *Reb milletlere jeza berjek*

[1] «Ine, şonda, Ýahuda bilen Iýerusa-
limiň öňki abadançylygyny dikelden
günlerimde, [2] Men ähli milletleri ýygnap,
olary Ýehoşapat[a] jülgesine getirerin,
saýlan ysraýyl halkymy milletler ara-
synda pytradandygy üçin, Men şol ýerde
olara höküm çykararyn. Olar Meniň
topragymy böldüler, [3] Meniň halkym
üçin bije atdylar, oglany loly üçin, gy-
zy şerap içmek üçin satdylar. [4] Eý, Sur,
Sidon we ähli Pilişt welaýatlary, siz
kimsiňiz Meniň üçin? Siz Maňa gaý-
tawul berýärsiňizmi? Eger gaýtawul
berýän bolsaňyz, Men siziň edenleriňizi
okgunlylyk bilen tizara başyňyza sala-
ryn. [5] Çünki siz Meniň altyn-kümşümi,
saýlama hazynamy buthanalaryňyza
äkitdiňiz. [6] Siz Ýahuda we Iýerusalim
halklaryny öz çäklerinden uzaklaşdy-
ryp, olary grek halkyna satdyňyz. [7] Indi
bolsa olary şol ýerden aýaga galdyryp,
edenleriňizi öz başyňyza salýan Men-
dirin. [8] Men siziň oguldyr gyzlaryňyzy
Ýahuda halkyna sataryn, ol hem siziň
çagalaryňyzy uzakdaky Şebalylara sa-
tar». Muny Reb aýtdy.

[9] Muny halklar arasynda jar ediň:
«Söweş üçin taýýarlyk görüň,
batyrlary aýaga galdyryň,
goý, esgerleriň bary jemlensin.
[10] Azallaryňyzdan gylyçlar,
oraklaryňyzdan naýzalar ýasaň;
ejiz „men güýçli“ diýsin.
[11] Eý, töwerekdäki ähli milletler,
howlugyň, üýşüp ýygnanyň!
Ýa Reb, aşak indir Öz
batyrlaryňy!»
[12] «Goý, milletler galkynsyn,
Ýehoşapat jülgesine insin,
çünki çar tarapdan gelen
milletlere
höküm çykarmak üçin,
Men şol ýerde oturjak.
[13] Oraklaryňyzy işlediň,
çünki hasyl ýetişdi;
üzüm sykylýan ýeri doly,
Çelekler dolup daşýança
basgylaň.
Çünki hetden aşdy pislikleri
milletleň».
[14] Höküm jülgesinde
Birgiden mähelle, ägirt
mähelle!
Çünki Rebbiň güni
höküm jülgesine golaýdyr.
[15] Günüň, Aýyň ýüzi garalýar,
ýyldyzlar hem şöhlesini
saçmaýar.
[16] Reb gümmürdeýär Siondan
hem seslenýär Iýerusalimden.
Asman bilen ýer lerzana gelýär.
Emma Reb Öz halkyna penadyr,
hem ysraýyl halky üçin galadyr.
[17] «Şonda Men Beýik Hudaýyňyzyň
mukaddes dagym Sionda
mesgen tutandygymy bilersiňiz.
Iýerusalim hem mukaddes bolar,
kesekiler ony basyp almaz hiç
haçan.

[a] **3:2** ***Ýehoşapat*** – bu söz *Reb höküm edýär* diýmegi aňladýar. Seret: 2ÝÝ 20:1-30.

18 Şol gün şeýle bolar:
Daglardan täze şerap damar,
baýyrlardan süýt akar,
Ýahuda jarlarynyň ählisi
suwdan dolar.
Rebbiň öýünden gözbaş
ýarylyp,
Şitim jülgesiniň gury jarlaryny
gandyrar.
19 Weýran bolar Müsür,
döner çöllüge Edom,
çünki olar ýahuda halkyna
etdiler sütem;
boýadylar topraklaryny
bigünä gana.
20 Ýöne baky mesgen bolar Ýahuda,
Iýerusalim-de bolar
nesilden-nesle.
21 Men alaryn ganlarynyň hununy
hem-de aklamaryn günäni,
çünki Reb Sionda mesgen
tutýandyr».

# Amos pygamberiň kitaby

## Giriş

Amos pygamber Hudaýdan ylham alan pygamberleriň biridir. Mukaddes Ýazgylarda şeýle ylhamlaryň jikme-jik beýany ilkinji gezek hut şu kitapda duş gelýär.

Amos pygamber asly boýunça Ýahuda şäherinden bolsa-da, ol Ysraýyl patyşalygynyň demirgazyk çäklerinde ýaşaýan adamlar barada pygamberlik edipdir. Ol bu pygamberlikleri takmynan b. e. öň VIII asyrda aýdypdyr. Şol döwürde ýurduň abadançylygy pajarlap ösüpdir, halk Hudaýa sežde edip, parahat ýaşapdyr. Emma Amos bu abadançylygyň we bolelinligiň diňe baýlar üçindigini görýär. Ol ýurtda adalatsyzlygyň artýandygyny we garyp-pukaralaryň ezilýändigini görýär. Hudaýa edilýän seždeler päk ýürekden edilmändir, parahatlyk bolsa göze görünýän salgym ýaly bolupdyr. Şonuň üçin-de, Amos Hudaýyň ýurdy jezalandyrjakdygy barada batyrgaýlyk bilen pygamberlik edýär. Ol adalatlylygy «derýa kimin joşdurmaga» (5:24) çagyrýar. Amos pygamber: «Belki şonda Reb Hökmürowan Hudaý Ýusubyň aman galanlaryna merhemet eder» (5:15) – diýip umyt edýär.

### *Mazmuny*


Ysraýylyň töweregindäki ýurtlaryň höküm edilmegi ....................... *1:1–2:5*
Ysraýylyň höküm edilmegi ............................................................ *2:6–6:14*
Bäş görnüş ........................................................................................ *7:1–9:15*


---

### 1-nji bap

1 Tekowaly çopanlaryň biri bolan Amosyň sözleri. Ysraýyl hakyndaky bu sözler Amosa ýertitremeden iki ýyl öň görnüş arkaly aýan bolupdy. Şol günlerde Ýahudada Uzyýa patyşa, Ysraýylda Ýehowaşyň ogly Ýarobgam patyşa höküm sürýärdi.
2 Amos şeýle diýdi:
«Reb Siondan nagra çekýär,
Iýerusalimden sesini eşitdirýär.
Çopanlaryň öri meýdanlary
solýar,
Karmel dagynyň başy guraýar».

### *Ysraýylyň töweregindäki ýurtlar höküm edilýär*

3 Reb şeýle diýýär:
«Men damasklylary günä
üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Çünki demir dişli döweklerde

gilgat halkyny ýençdiler olar.
4 Muňa görä Hazaýylyň köşgüne ot
ýagdyraryn,
ot Benhadadyň[a] galalaryny
ýakyp kül eder.
5 Damaskyň derwezesiniň kiltlerini
döwerin,
Awen[b] jülgesiniň hökümdaryny,
Beýtedende[ç] eli şa hasaly
hökümdary ýok ederin.
Siriýa halky Kir ýurduna ýesir
edip äkidiler».
Muny Reb aýdýandyr.

6 Reb şeýle diýýär:
«Men gazalylary günä üstüne
günä
edendikleri üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Olar tutuş jemagaty edomlylaryň
eline bermek üçin ýesir edip
äkitdiler.
7 Muňa görä Gaza diwaryna ot
ýagdyraryn,
ot onuň galalaryny ýakyp kül
eder.
8 Ýok ederin Aşdodyň ilatyny,
Aşkelonda eli şa hasaly hökümdary.
Golumy Ekronyň garşysyna
öwrerin,
heläk ederin piliştlileriň aman
galanyny».
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

9 Reb şeýle diýýär:
«Men surlulary günä üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Çünki olar doganlyk ähtini unudyp,
tutuş jemagaty Edoma gul edip
satdylar.
10 Muňa görä Sur diwaryna ot
ýagdyraryn,
ot onuň galalaryny ýakyp kül
eder».

11 Reb şeýle diýýär:
«Men edomlylary günä üstüne
günä
edendikleri üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Çünki doganlaryny gylyçly
kowalap,
rehim-şepagat etmediler,
çäksiz gaharyny dökdüler,
gazap atyna baky atlandylar.
12 Şu sebäpden Teýmana ot
ýagdyraryn,
ot Bosranyň galalaryny ýakyp
kül eder».

13 Reb şeýle diýýär:
«Men ammonlary günä üstüne
günä
edendikleri üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Çünki olar öz çäklerini
giňeltmek üçin
Gilgadyň göwreli aýallarynyň
garnyny ýardylar.
14 Söweş günündäki galmagaldan
ýaňa,
harasat günündäki tüweleý içinde
Rabanyň diwaryna ot salaryn,
ot galalaryny ýakyp kül eder.
15 Emeldarlary bilen birlikde
ammon şasy sürgün ediler».
Muny Reb aýdýandyr.

---

[a] **1:4** ***Hazaýyl… Benhadat*** – seret: 2Pat 13:22-25.
[b] **1:5** ***Awen*** – bu söz *pislik ýeri* diýmegi aňladýar.
[ç] **1:5** ***Beýteden*** – bu söz *lezzet öýi* diýmegi aňladýar.

## 2-nji bap

[1] Reb şeýle diýýär:
«Men Mowaby günä üstüne günä
edendigi üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Çünki ol Edom şasynyň
süňküni ýakyp küle öwürdi.
[2] Şu sebäpden Mowaba ot
ýagdyraryn,
ot Keriýodyň galalaryny ýakyp
kül eder.
Gygyryşmakdan we surnaý
seslerinden ýaňa,
Mowap halky söweş
gykylygynyň içinde öler.
[3] Aralaryndaky hökümdaryny ýok
ederin,
onuň bilen bile ähli
emeldarlaryny öldürerin».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Ýahuda höküm edilýär*

[4] Reb şeýle diýýär:
«Men Ýahudany günä üstüne
günä
edendigi üçin jezasyz galdyrmaryn.
Çünki Rebbiň kanunyny ret etdiler,
Onuň parzlaryny tutmadylar,
ata-babalarynyň ýalan
hudaýlaryň yzyna eýerişi ýaly
indi bular-da olar bilen azdylar.
[5] Şu sebäpden Ýahuda ot ýagdyraryn,
ot Iýerusalimiň galalaryny
ýakyp kül eder».

### *Ysraýyl höküm edilýär*

[6] Reb şeýle diýýär:
«Men Ysraýyly günä üstüne günä
edendigi üçin jezasyz
galdyrmaryn.
Çünki olar dogruçyly kümşe,
mätäji bir jübüt çaryga satýarlar.
[7] Pukaralaryň başyny toprak
astynda depgiläp,
ezilenleri ýoldan itekläp
aýyrýarlar.
Ogly-da, atasy-da bir aýalyňka
gidip,
mukaddes adymy harlaýarlar.
[8] Her gurbanlyk sypasynyň
ýanynda
girew alnan eşikleri ýazyp
oturýarlar.
Özleriniň Hudaýynyň öýünde
jerime pula alnan şeraby
içýärler.

[9] Men bolsa Ysraýylyň öňünden
amorlary ýok etdim.
Boýlary kedr agajy deý uzyn,
dub agajy kimin güýçli bolsa-da,
olaryň ýokardan miwesini,
aşakdan köküni gyrdym.
[10] Şeýle-de amor ýurduny
eýelemegiňiz üçin,
Men sizi Müsürden çykardym,
çölde kyrk ýyllap ýol
görkezdim.
[11] Ogullaryňyzdan pygamber
çykardym,
ýaş ýigitleriňizi nazyr[a] belledim.
Eý, ysraýyl halky, hakykatdan-da,
bu şeýle dälmidir?!»
Muny Men-Reb aýdýandyryn.

[12] «Emma nazyr bolana şerap
içirdiňiz,

---

[a] **2:11** ***Nazyr*** – özüni Hudaýa bagyşlan adamlaryň saçyna päki degirmezlik nyşany. Sözlüge seret.

pygamberlere „Pygamberlik
etmäň!“
diýip buýruk berdiňiz.

13 Şonuň üçin desseden ýükli araba
topragy nähili owradýan bolsa,
Men-de sizi duran ýeriňizde
edil şonuň ýaly mynjyradaryn.
14 Ýüwrük adam gaçyp bilmez,
güýçli güýç görkezip bilmez,
batyr-da janyny halas edip
bilmez.
15 Ýaýçy ornunda berk durup
bilmez,
ýüwrük aýakly gaçyp gutulyp
bilmez,
atly-da janyny halas edip bilmez.
16 Batyrlaryň iň batyry-da
ol gün ýalaňaç gaçyp gider».
Muny Reb aýdýandyr.

**3-nji bap**

***Ysraýylyň günäsi we jezasy***

1 Eý, ysraýyl halky, Rebbiň
size, Müsürden çykaran
kowumyňyza garşy aýdan bu
sözüne gulak goýuň:
2 «Ýer ýüzündäki ähli halklaryň
arasyndan
Men diňe sizi saýladym.
Şu sebäpli ähli etmişiňiz üçin,
Men sizi jezalandyraryn.

3 Heý, belleşmezden iki adam
bile ýola düşermi?
4 Awy oňmadyk şir jeňňelde
arlarmy näme?
Hiç zat awlamadyk arslan
süreninde hyrlarmy näme?
5 Ýerde duzak gurulmasa,
guş duzaga düşermi?
Içine bir zat düşmese,
ýerden gapan göçermi?
6 Şäherde surnaý çalnar-da,
halkda gorky bolmazmy?
Rebbiň Özi indermese,
şähere bela gelermi?
7 Hakykatdan-da Hökmürowan Reb
syryny gullary pygamberlere
aýan etmezden hiç zat etmez.
8 Arslan arlar-da,
kim gorkmaz?
Hökmürowan Reb sözlär-de,
kim pygamberlik etmez?»

9 Aşdot we Müsür galalaryna şuny
jar ediň:
«Samariýanyň daglaryna
ýygnanyň.
Şäheriň içindäki başagaýlygy,
onuň arasyndaky zulumy görüň».
10 «Galalarynda zorluk bilen talan
oljalaryny toplaýarlar,
dogry iş etmegi hiç bilmeýärler.
Muny Reb aýdýandyr.
11 Şonuň üçin duşman ýurduňyzy
gabawa salar
sizi güýç-kuwwatdan düşürip,
galalaryňyzy talaňçylyga berer».

Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
12 Reb şeýle diýýär: «Bir çopanyň
arslanyň agzyndaky goýnuň diňe toý-
naklaryny ýa-da gulagynyň bir bölegini
halas edip bilşi ýaly, Samariýada ýaşa-
ýan ysraýyl halky-da şeýle halas ediler.
Onda diňe döwük-ýenjik öý goşlaryndan
başga hiç zat galmaz».

13 Eşidiň we Ýakup nesillerine
güwälik ediň,
Gudratygüýçli Hudaý –
Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
14 «Etmişi üçin Ysraýyly
jezalandyran günüm,

Beýteliň gurbanlyk
sypalaryny-da ýok ederin.
Gurbanlyk sypalaryň şahlary
kesilip ýere gaçar.
15 Men gyşky hem ýazky köşkleri
ýumraryn,
pil süňkünden haşamlanan
jaýlary ýok ederin,
beýik jaýlaryň soňuna
çykaryn».
Muny Reb aýdýandyr.

## 4-nji bap

1 Eý, Samariýa dagyndaky Başanyň
mal heleýleri!
Siz pukaralara sütem edip,
mätäçleri ezýänler,
ärleriňize: «Içmäge bir zat
getir» diýýänler!
Bu sözlere gulak salyň.
2 Hökmürowan Reb Öz
mukaddesliginden ant içdi:
«Siziň çeňňekler bilen,
iň soňkyňyzyň hem balyk
garbaklary bilen
tutuljak günüňiz hökman ýetip
geler.
3 Her biriňiz garşyňyzdaky
diwar gädikden çykarylyp,
Hermona taşlanarsyňyz».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Ysraýyl erbet ýolundan dänmeýär*

4 Baryň, Beýtele gidip, günä ediň,
Gilgala gidip, ýazygyňyzy
artdyryň,
her gün ertirine
gurbanlyklaryňyzy,
her üç günden gazanjyňyzyň
ondan birini getiriň.
5 Hamyrmaýaly çörekden şükür
sadakasyny hödürläň,
meýletin sadakalaryňyzy jar
edip mälim ediň,
şeýle etmekden sen lezzet
alýaň-a, eý, ysraýyl halky!
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

6 Ähli şäherleriňizde açlykdan
dişiňiziň kirini sordurdym,
tutuş ýurduňyzy nana zar etdim,
emma şonda-da siz Maňa tarap
dolanmadyňyz.
Muny Reb aýdýandyr.

7 Hasyl ýygnamaga üç aý galanda,
sizden ýagmyry gysgandym,
Men bir şähere ýagyş ýagdyryp,
başga birine ýagdyrmadym.
Bir ekin meýdany ygaldan
gandyrdym,
beýleki birini bolsa ygalsyz
guratdym.
8 Agyz suwy üçin şäherden-şähere
entediňiz,
emma suwdan ganyp
içmediňiz,
şonda-da siz Maňa tarap
dolanmadyňyz.
Muny Reb aýdýandyr.

9 Men sizi epgekdir heň bilen büräp
örtdüm,
baglaryňyzy we üzümlikleriňizi
weýran etdim,
injirdir zeýtun agaçlaryňyzy
çekirtgeler ýuwutdy,
emma şonda-da siz Maňa tarap
dolanmadyňyz.
Muny Reb aýdýandyr.

10 Müsürdäki ýaly araňyza mergi
iberdim,
ýaş ýigitleriňizi gylyçdan
geçirdim,

atlaryňyzy duşmanlaryňyza
berdim.
Burnuňyzy düşelgäňiziň porsy
ysyndan doldurdym,
emma şonda-da siz Maňa tarap
dolanmadyňyz.
Muny Reb aýdýandyr.

11 Men Sodom bilen Gomorany
ýumruşym ýaly,
araňyzdaky köp şäherleri-de
ýykyp ýumurdym.
Siz otdan çykarylan kesindi
mysaly bolduňyz,
emma şonda-da Maňa tarap
dolanmadyňyz.
Muny Reb aýdýandyr.

12 Şonuň üçin hem, eý, Ysraýyl,
saňa şeýle ederin.
Saňa şuny etjekdigim üçin,
Hudaýyňy garşylamaga
taýýarlan, eý, Ysraýyl!

13 Çünki daglara şekil beren, ýeli
ýaradyp,
Öz pikirlerini ynsanlara aýan
eden,
daň şapagyny garaňkylyga öwren,
dünýäniň belent ýerlerine aýak
basan Oldur,
Onuň ady Reb Hökmürowan
Hudaýdyr!

## 5-nji bap

### *Toba etmäge çagyryş*

1 Eý, ysraýyl halky, sen hakdaky
aýtjak
bu agy sözüme gulak as.
2 Ysraýyl gyzy ýykyldy,
indi ol hiç haçan galmaz,
öz topragynda süýnüp ýatyr,
hiç kim oňa ýardam bermez.
3 Şonuň üçin Hökmürowan Reb
şeýle diýýär:
«Bir şäherden Ysraýyl üçin
söweşe çykan
müň adamdan ýüz adam aman
galar,
beýleki birinden diňe ýüzden
onusy aman galar».
4 Reb ysraýyl halkyna şeýle diýýär:
«Meni agtaryň, şonda
ýaşarsyňyz!
5 Emma Meni Beýtelden agtarmaň,
Gilgala girmäň,
Beýerşeba geçmäň,
çünki Gilgal hökman sürgün
ediler [a],
Beýtel hem hiç zat bolup galar».
6 Rebbi agtaryň, şonda ýaşarsyňyz,
ýogsam Ol Ýusup nesline garşy
ot kimin lowlar,
Beýtelde ýangyny söndürmäge
hiç kim tapylmaz.
7 Adalaty ajylyga öwrenler!
Dogruçyllygy ýere çalanlar!
8 Ülker, Orion ýyldyzlaryny
ýaradan,
tüm garaňkylygy daň sähere
öwren,
gündizi gijä öwren,
deňiz suwlaryny çagyryp,
olary ýer ýüzüne döken Oldur.
Onuň ady Rebdir.
9 Ol güýçlüleri şol bada heläk eder,
galalaryny-da weýran eder.
10 Olar kazyýetde paş edýäni
ýigrenýärler,
hakykaty sözleýäni äsgermezlik
edýärler.

---

[a] **5:5** Ýewreýçe *Gilgal* we *sürgün ediler* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.

11 Garybyň elinden bugdaý hem
saman hakyny
zorluk bilen alanyňyz üçin,
daşdan ýonulan jaýlar
gursaňyz-da,
siz olarda ýaşamarsyňyz,
gözel üzüm baglaryny
oturtsaňyz-da,
olaryň şerabyny içmersiňiz.
12 Çünki Men etmişiňiziň köpdügini,
günäleriňiziň çökderdigini
bilýärin.
Dogruçyla ezýet berip, para
alýarsyňyz,
kazyýetde mätäji boş
gaýtarýarsyňyz.
13 Şonuň üçin akylly ynsan
şeýle pursatda ümsüm bolar,
çünki bu bir erbet zamandyr.

14 Ýamanlygy däl-de, ýagşylygy
agtaryň,
şonda siz ýaşarsyňyz.
Edil siziň öz aýdyşyňyz ýaly
Reb Hökmürowan Hudaý siziň
bilen bolar.
15 Ýamanlygy ýigrenip, ýagşylygy
söýüň,
kazyýetde adalaty berkarar ediň.
Belki şonda Reb Hökmürowan
Hudaý
Ýusubyň aman galanlaryna
merhemet eder.

16 Hökmürowan Hudaý –
Hökmürowan Reb şeýle
diýýär:
«Bütin meýdançalarda dady-
perýat ederler,
köçelerde „Waý, waý günümize!“
diýşerler.
Çagyrarlar daýhany matam
tutmaga,
ýasçylary – ýas aýdymyny
aýtmaga.
17 Tutuş üzüm baglaryňyzda perýat
ederler,
çünki siziň araňyzdan Men
geçerin».
Muny Reb aýdýandyr.

### *Rebbiň güni*

18 Dat günüňize, Rebbiň gününi
küýseýänler!
Näme üçin siz Rebbiň gününe
zarsyňyz?
Ol gün aýdyňlyk däl-de,
garaňkylykdyr.
19 Ol gün bir kişiniň arslandan gaçyp,
aýa duş gelşi kimindir.
Öýüne gelip, elini diwara
söýände,
ony ýylanyň çakyşy kimindir.
20 Rebbiň güni ýagtylyk däl-de,
garaňkylyk dälmidir?
Ol hiç bir yşyksyz tüm
garaňkylyk dälmidir?

21 Men baýramlaryňyzy ýigrenýärin,
äsgermeýärin,
mukaddes ýygnanyşyklaryňyzy
asla halamaýaryn.
22 Hatda ýakma gurbanlygyňyzdyr
galla sadakaňyzy hödür
etseňiz-de,
Men olary kabul etmerin.
Semiz mallaryňyzdan salamatlyk
gurbanlygyňyzy berseňiz-de,
Men olara bakmaryn.
23 Ýanymdan nagmalaryň owazyny
aýryň!
Men arfalaryňyzyň sazyny
diňlemerin.
24 Goý, adalatlyk derýa kimin joşsun,
dogruçyllyk baky çeşme ýaly
aksyn.

25 Eý, ysraýyl halky, Maňa çölde
kyrk ýyllap
gurbanlyklar we sadakalar
hödürlediňizmi?

26 Siz patyşaňyz Sakudy we ýyldyz
hudaýyňyz Kiýuny –
özüňiz üçin ýasan butlaryňyzy
göterip gezdiňiz.

27 Munuň üçin sizi Damaskyň
aňyrsyna sürgün ederin.
Muny Reb aýdýandyr.
Onuň ady Hökmürowan Hudaýdyr.

### 6-njy bap

*Ysraýyl weýran edilýär*

1 Dat günüňize, eý, Sionda[a] asuda
ýaşaýanlar,
Samariýa dagynda howpsuz
oturanlar,
ysraýyl halkynyň ýüz tutmaga
barýan
iň beýik milletiň meşhur
adamlary!
2 Kalne şäherine geçip görüň,
ol ýerden beýik Hamada gidiň.
Onsoň piliştlileriň Gat şäherine
baryň,
olar iki patyşalygyňyzdan
gowumyka?
Tutýan meýdanlary siziňkiden
giňmikä?
3 Eý, siz bela gününi uzak saýyp,
zorluk tagtyny
ýakynlaşdyranlar!

4 Halyňyza waý, eý, pil süňkünden
haşamlanan çarpaýada
ýatanlar,
düşekleriniň üstünde meýmiränler,
sürüden saýlama guzulary,
baga bakylan göleleri iýýänler!
5 Özlerini Dawut ýaly saýyp,
saz gurallaryny oýlap tapýanlar,
arfanyň owazyna aýdym
aýdýanlar,
6 şakäseden şerap içýänler,
üstlerine iň oňat atyr sepýänler,
Ýusubyň weýrançylygyna ýas
tutmaýanlar,
halyňyza waý!
7 Munuň üçin olar ilkinji bolup
ýesir edip äkidiler,
kürsüde gaýşarýanlaryň meýlisi
tamamlanar.

8 Hökmürowan Reb Özünden ant
içip, şeýle diýýär:
«Ýakubyň gedemligini nejis
saýýaryn,
onuň galalaryny ýigrenýärin,
içindäki ähli zady bilen bile
şäheri duşman eline bererin».
Muny Hökmürowan Beýik Hudaý
aýdýandyr.
9 Bir öýde on adam galan bolsa, olar-da
öler. 10 Olaryň biriniň garyndaşy öz kö-
mekçisi bilen hossarynyň jesedini öýden
daşary çykaryp ýakmak üçin geler. Ol
kömekçisinden: «Başga-da jeset bar-
my?» diýip soranda, «Ýok» diýip jogap
berer. Onsoň garyndaşy: «Sem bol! Reb-
biň ady agzalmasyn» diýer.

11 Ine, Reb şeýle buýurýar:
«Uly jaýlar toza,
kiçi jaýlar küle dönsün.
12 Atlar gaýanyň üstünde çaparmy?
Öküzler bilen ol ýerde ýer
sürlermi?

[a] **6:1** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

Emma siz adalaty zähere,
dogrulyk miwesini ajylyga
öwürdiňiz.
13 Siz Lodebarda[a] puç zada
şatlanyp: „Karnaýymy[b]
öz güýjümiz bilen basyp
almadykmy näme?“
diýýärsiňiz.
14 Şonuň üçin, eý, ysraýyl halky,
saňa garşy bir milleti aýaga
galdyrjak.
Olar Lebohamatdan
Araba düzlügine çenli seni
ezerler».
Muny Reb Hökmürowan Hudaý
aýdýandyr.

### 7-nji bap

#### *Çekirtgeler, ot we şugul guraly hakyndaky görnüşler*

1 Ine, Hökmürowan Reb maňa şuny
görkezdi: patyşanyň paýyna düşen bug-
daý orlup bolnandan soň, ikinji ekilen
ekin gögerip başlan wagtynda, Reb çe-
kirtge sürülerini çozdurdy. 2 Çekirtgeler
ýurduň ähli gögeren zadyny iýip guta-
randa, men şeýle diýdim:
«Ýa Hökmürowan Reb,
ýalbarýaryn, Öz halkyňy
bagyşla!
Ýakubyň nesli muňa neneň
çydasyn?!
Ol bir kiçi halkdyr!»
3 Onsoň Reb muňa gaýtmyşym etdi.
Reb: «Beýle zat bolmaz!» diýdi.
4 Ine, Hökmürowan Reb maňa şuny
görkezdi: Hökmürowan Reb halkyny
jezalandyrmak üçin alawly ody çagyrdy.
Ot düýpsüz çuň suwlary ýakyp ýandyr-
dy, soňra ekin meýdanyny ýandyrmaga
başlady. 5 Onsoň men şeýle diýdim:
«Ýa Hökmürowan Reb,
ýalbarýaryn, saklan!
Ýakubyň nesli muňa neneň
çydasyn?!
Ol bir kiçi halkdyr!»
6 Reb muňa-da gaýtmyşym etdi.
Hökmürowan Reb: «Bu-da
bolmaz!» diýdi.
7 Başga bir görnüş arkaly Reb maňa
şuny görkezdi: ine, Reb şugul guraly
bilen gurlan dim-dik diwaryň ýanynda
durdy, elinde bolsa şugul bardy. 8 Onsoň
Reb menden: «Amos, sen näme gör-
ýärsiň?» diýip sorady. Men: «Bir şugul
görýärin» diýip jogap berdim. Onsoň
Reb şeýle diýdi:
«Ine, halkym Ysraýylyň
ortasynda-da,
Men bir şugul guralyny goýýaryn.
Mundan beýläk olary
bagyşlamaryn.
9 Yshagyň butlara seždegähleri
weýran ediler,
Ysraýylyň mukaddes öýleri
haraba öwrüler,
Ýarobgam kowumyna garşy
gylyçly aýaga galaryn».

#### *Amos bilen Amazýa*

10 Onsoň Beýteldäki Amazýa ruhany
Ysraýylyň patyşasy Ýarobgama şeýle
habar ýollady: «Amos ysraýyl halkynyň
arasynda saňa garşy dildüwşük gurady.
Ýurt onuň munça sözlerini göterip bil-
mez. 11 Amos şeýle diýdi:
„Ýarobgam gylyçdan öler,
Ysraýyl halky öz ýurdundan
ýesir edip äkidilip çykarylar“».

---

[a] **6:13** ***Lodebar*** – ýewreýçe bu at *hiç zat* diýmegi aňladýar.
[b] **6:13** ***Karnaýym*** – bu söz *iki şah* diýmegi aňladýar. Şah güýjüň nyşanydyr.

[12] Onsoň Amazýa Amosa şeýle diýdi:
«Eý, görgür! Bar, Ýahuda ýurduna git-de,
çörek puluňy şol ýerde gazan. Şol ýerde
pygamberlik et. [13] Emma indi gaýdyp
Beýtelde pygamberlik etme, çünki bu
patyşanyň mukaddes öýi we patyşaly-
gyň ybadathanasydyr». [14] Onsoň Amos
Amazýa şeýle jogap berdi: «Men pygam-
ber hem däl, pygamberler toparyndan
hem däl. Men ýöne bir çopan hem injir
agaçlaryna gözegçilik edýän. [15] Emma
Reb meni süriniň yzyndan aldy-da, ma-
ňa: „Bar, git-de, Meniň halkym Ysraýyla
pygamberlik et“ diýdi.

[16] Indi bolsa Rebbiň sözüne gulak goý.
Sen maňa: „Ysraýylyň
garşysyna pygamberlik etme,
Yshagyň kowumyna garşy
wagyz etme“ diýýärsiň.
[17] Şonuň üçin Reb şeýle diýýär:
„Aýalyň şäherde loluçylyk eder,
ogul-gyzlaryň gylyçdan geçiriler,
ölçeg ýüpi bilen ýeriň
paýlanylar,
özüňem haram ýurtda ölersiň,
ysraýyl halky öz ýurdundan
ýesir edilip äkidiler“».

## 8-nji bap

### *Bir sebet miwe*

[1] Hökmürowan Reb maňa şuny gör-
kezdi: bir sebet injir miwesi bardy. [2] Ol
menden: «Amos, sen näme görýärsiň?»
diýip sorady. Men: «Bir sebet ýetişen
miwäni görýärin» diýip jogap berdim.
Onsoň Reb maňa şeýle diýdi: «Meniň
halkym Ysraýylyň soňy ýetip geldi. Mun-
dan beýläk olary bagyşlamaryn. [3] Şol
gün köşk aýdymlary ahy-nala öwrüler.
Ähli ýer taşlanan jesetlerden dolar.
Ümsüm boluň!»
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

[4] Eşidiň muny,
mätäçleri depgiläp ezýänler,
ýurduň garyplaryny heläk
edýänler!
[5] Siz diýersiňiz:
«Täze Aý baýramy geçsedi,
gallamyzy satarys;
Sabat güni basym ötsedi,
bugdaýmyzy bazara çykararys.
Ölçegi kiçeldip, bahany ulaldyp,
galp terezi bilen adamlary
aldarys.
[6] Bugdaý ýerine onuň kepegini satyp,
garyplary kümşe,
mätäji bir jübüt çaryga satyn
alarys».

[7] Ýakup halkynyň guwanjy bolan
Reb şeýle ant içdi:
«Men olaryň eden işleriniň hiç
birini asla unutmaryn.
[8] Bu işler üçin ýer sarsmajakmy?
Ýerde ýaşaýan her kes ýas
tutmajakmy?
Bütin ýer ýüzi Nil derýasy kimin
tolkun atar,
Müsürdäki Nil derýasy deý
belende galyp pese düşer».

[9] Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Şol gün şeýle bolar:
Günortan çagy güni batyraryn,
gündiz ýer ýüzüni garaňky
ederin.
[10] Men siziň baýramyňyzy ýasa,
aýdymlaryňyzy ahy-nala
öwrerin.
Her bile jul guşagyny guşadaryn,
her başyň saçyny syrdyraryn.
Şol güni ýalňyz ogluň ýas güni
kimin ederin,
onuň soňuny ajylyk bilen
gutararyn».

11 Hökmürowan Reb ýene-de şeýle
diýýär:
«Şeýle günler geler,
Men ýurda açlyk ibererin.
Emma bu çörek bilen suwuň
gytlygy däl-de,
Rebbiň sözlerini eşitmek
küýsegi bolar.
12 Rebbiň sözüni agtaryp,
ynsanlar deňizden-deňze,
demirgazykdan gündogara
entärler.
Olar ol ýerden bu ýere
ylgaşarlar,
emma ony tapyp bilmezler.

13 Şol gün gözel gyzlar we ýaş
ýigitler
teşnelikden huşuny ýitirerler».
14 Samariýanyň günäsinden ant içip:
«Eý, Dan! Seniň hudaýyňdan
ant içýän,
Beýerşebanyň tutýan ýolundan
ant içýän!» diýýänler
ýykylarlar we hiç haçan
ýerlerinden galmazlar.

## 9-njy bap

### *Rebbiň Ysraýyla hökümi*

1 Men gurbanlyk sypasynyň ýanynda
Rebbiň duranyny gördüm. Reb şeýle
buýruk berdi:
«Ybadathana söýeleri sarsýança,
sütünleriň başyna ur,
olary ähli ynsanyň depesinden
inder.
Diri galanlaryny gylyçdan
geçirerin,
hiç biri gaçyp-da, gutulyp-da
bilmez.
2 Gazyp ölüler dünýäsine
girseler-de,
elimi uzadyp, olary ondan
çykararyn.
Olar göge çyksalar-da,
ol ýerden aşak düşürerin.
3 Karmel dagynyň depesinde
gizlenseler-de,
ol ýerden Men olary yzarlap
taparyn.
Huzurymdan deňziň düýbünde
gizlenseler-de,
deňiz ýylanyna buýruk bererin,
ýylan-da olary çakar.
4 Duşmanlarynyň öňüne düşüp,
ýesirlige gitseler-de,
ol ýerde gylyja buýruk bererin;
ol-da olary öldürer.
Men olardan nazarymy
aýyrmaryn,
emma ýagşylyk üçin däl-de,
ýamanlyk üçin şeýderin».

5 Gudratygüýçli–Hökmürowan Reb
elini ýere degirýär we ýer
sarsýar,
ýerde ýaşaýan her kes ýas tutýar.
Bütin ýer ýüzi Nil kimin tolkun
atýar,
Müsüriň Nil derýasy deý ýene
pese düşýär.
6 Ýokarky otagyny gökde bina
edýän,
gümmezini ýeriň ýokarsynda
guryan,
deňziň suwlaryny bir ýere
ýygnap,
suwlary ýer ýüzüne dökýän
Oldur.
Onuň ady Rebdir.

7-8 Reb şeýle diýýär: «Eý, ysraýyl
halky,
sen Meniň üçin efiopiýa halky
bilen deň dälmisiň?

Ysraýyllary Müsürden, piliştleri
Kaptordan,
siriýalylary Kirden çykaran
Men dälmi näme?
Hökmürowan Rebbiň nazary
siziň günäli şalygyňyzdadyr,
Men-Reb ony ýer ýüzünden
süpürip taşlaryn,
emma Ýakubyň kowumyny
bütinleý ýok etmerin».
Muny Reb aýdýandyr.

9 Ine, Men buýruk bererin,
ähli milletleriň arasynda
ysraýyl halkyny
bugdaý elän ýaly edip, elekden
geçirerin,
şonda ýekeje daş-da elekden
geçmez.
10 «Bela bize gelmez ýa-da duşmaz»
diýýän,
halkymyň ähli günälileri
gylyçdan ölerler.

***Ysraýyl patyşalygy gaýtadan dikeldilýär***

11 Şol gün Men Dawudyň
ýykylan çadyryny dikelderin,
böwsülen böwürlerini bejererin,
weýran bolan ýerlerini oňaryp,
gadym döwürdäki ýaly ederin.
12 Şeýdip, ysraýyl halky Edomyň
aman galanlaryna,
Maňa degişli bolan ähli
milletlere eýelik eder.
Muny şu işi bitirýän Hudaýyňyz Reb
aýdýandyr.

13-15 Ine, şeýle günler geler –
Hökmürowan Reb diýýär,
ýer sürýän orak orýanyň
yzyndan ýeter,
üzüm sykýan ekiş döwrüne çenli
işini gutarmaz,
şirin şerap daglardan damar,
bütin depelerden-de joşup akar.
Halkym Ysraýyla öňki
abadançylygyny gaýtararyn,
ýumrulan şäherleri dikeldip,
olarda mesgen tutarlar,
üzüm baglaryny oturdyp,
olaryň şerabyny içerler,
bag-bakjalar ekip, olaryň
miwesini iýerler.
Men olary öz topragynda
oturdaryn,
Meniň özlerine beren
topragymdan
indi olar hiç haçan çykarylmaz.
Muny Hudaýyňyz Reb aýdýandyr.

# Abadýa pygamberiň kitaby

## Giriş

B. e. öň 586-njy ýylda Iýerusalim şäheri babyllylar tarapyndan weýran edilýär. *Abadýa pygamberiň kitaby* hem şu wakalaryň bolup geçen döwründen soň ýazylypdyr diýip hasaplanylýar. Iýerusalimiň weýran edilmegine ysraýyllaryň gadymy duşmany bolan edomlylar gaty begenýärler. Olar diňe begenmek bilen çäklenmän, basybalyjylara kömek berip, şäheri talaýarlar. Abadýa pygamber Hudaýdan ylham alyp, ysraýyl halkynyň duşmanlary bolan edomlylaryň we beýleki halklaryň jezalandyryljakdygy barada pygamberlik edýär.

### *Mazmuny*


Edom ýurduna garşy pygamberlik ........ *1:1-14*
Rebbiň güni ........ *1:15-21*


---

### 1-nji bap

### *Edom ýurduna garşy pygamberlik*

1 Abadýa gelen aýanlyk:

Hökmürowan Reb Edom barada
şeýle diýdi:
«Milletlere wekiliň
iberilendigine habar geldi.
Rebden gelen wekiliň: „Turuň,
Edoma garşy söweşe
çykalyň!“ diýen habaryny
eşitdik.
2 Edom, Men seni halklaryň
arasynda iň pesi ederin
sen bütinleý ryswa bolarsyň.
3 Tekepbir ýüregiň aldady seni.
Sen belentde, gaýalaryň
howpsuz ýerinde ýaşaýaň,
„Meni pese – ýere kim
düşürer?“ diýip,
kalbyňdan aýdýaň.
4 Eger sen bürgüt deýin ýokary
galsaň-da,
höwürtgäňi ýyldyzlaryň
arasynda goýsaň-da,
ol ýerden Men seni aşak
düşürerin!»
Muny Reb aýdýandyr.
5 «Seniň içiňe ogrular girdimi ýa
gijeki talaňçylar?
Ogrular diňe özüne geregini
ogurlamazlarmy?
Eger üzüm bagyňa girseler,
saňa-da miweden
galdyrmazlarmy?
Emma sen nähili weýran
bolduň!
6 Ysaw nesli niçik talandy,

onuň hazynasy dörüldi.
7 Sen bilen salamatlykda ýaşanlar
seni aldadylar.
Ähli arkadaşlaryň seni
serhetden çykardylar.
Bile duz iýşen adamlaryň senden
rüstem çykdylar.
Muny sen aňşyrmadyň».
8 «Şol gün – Reb diýýär –
Men Edomyň akylly
adamlaryny
we paýhasa düşünýänlerini
Ysaw dagynda gyrmanmy?

9 Teýman, seniň batyrlaryňy
gorky-howsala basar.
Olaryň bary Ysaw dagynda
gyrlyp ýok ediler.

10 Doganyň Ýakubyň nesline
zalymlyk edeniň üçin,
bütin betnam bolarsyň we ebedi
ýok edilersiň.
11 Kesekiler olaryň emlägini talan
gününde,
sen kesede durup seretdiň.
Gelmişekler derwezeden girende,
Iýerusalim üçin bije çekilende,
sen-de olaryň biri ýaly bolduň.
12 Doganyň – Ýahudanyň nesliniň
betbagt gününde gülmeli däldiň.
Olara bela inen gününde,
sen heşelle kakmaly däldiň.
Olaryň hasrat gününde
magtanmaly däldiň.
13 Sen Meniň halkyma bela gelen
gününde,
olaryň derwezesinden girmeli
däldiň.
Olaryň gyrgynçylyk gününe
içiňden begenip seretmek,
heläkçilik gününde olaryň
emlägine galtaşmak
hiç dogry däldi.
14 Ýoluň çatrygynda durup,
gaçan adamlary tutmaly däldiň.
Hasrat gününde aman galanlary
duşmana bermeli däldiň.

### *Rebbiň güni*

15 Çünki, Rebbiň ähli milletlere
höküm etjek güni golaýlap
gelýär.
Eý, Edom, näme eden bolsaň,
saňa-da şol bolar.
Edeniň başyňa düşer.
16 Çünki, siz, ýahudalar,
Meniň mukaddes dagymda
içdiňiz.
Ähli milletler-de hemişe şeýle
içerler we ýuwudyp, asla
bolmadyk ýaly bolarlar.
Sebäbi jeza käsesinden içerler.

17 Ýöne Sion [a] dagynda jezadan
halas galanlar bolar
we Sion dagy mukaddes bolar.
Ýakubyň nesli öz mülküne
gowşar.
18 Ýakubyň nesli ot bolar, Ýusubyň
zürýady alawa döner.
Oduň samany ýakyşy ýaly, olar
Ysawyň neslinden yz goýmaz.
Ysawyň ilinden gutulany bolmaz.
Çünki muny Reb aýtdy.
19 Negep çölüniň halky Ysaw
dagyny eýelär.
Baýyrlykdaky adamlar
piliştlileriň topragyny
eýelärler.
Olar Efraýym hem Samariýa
topragyna çenli ýeterler.

---

[a] **1:17** ***Sion*** – bu Iýerusalim şäheriniň beýleki ady. Sözlüge seret.

Benýamin nesli Gilgady eýelär.
20 Sürgün edilen ysraýyl söweşijileri
Kenganyň Sarepata çenli
ýerlerine eýe bolarlar.
Iýerusalimden Separada sürgün
edilenler Negepdäki
galalary eýelärler.
21 Ýeňijiler Ysaw daglarynyň
üstünden höküm sürmek
üçin,
Sion dagynyň üstüne çykarlar.
Patyşalyk Rebbiňki bolar».

# Ýunus pygamber

## Giriş

*Ýunus pygamber* kitaby beýleki pygamberleriň kitaplaryndan tapawutlanýar. Bu kitapda b. e. öň VIII asyrda ýaşan Ýunus pygamberiň başdan geçiren wakalary beýan edilýär.

Hudaý Ýunusa Ysraýyl ýurdunyň ganym duşmany bolan Aşur patyşalygynyň paýtagty Ninewä gitmegi we «onuň halkynyň günäkärdigini jar etmegi» buýurýar. Emma Ýunus Hudaýyň habaryny ol ýere ýetirmekden gorkup, bütinleý başga ugra gidýän gämä münýär. Onuň münen gämisi ýolda heläkçilige uçraýar, deňiz balygy ony ýuwudýar. Ýunus ahyrsoňy Rebden medet diläp, Onuň rehimdarlygyna we geçirimliligine bil baglaýar. Başdan geçiren howsalaly wakalardan soň, Ýunus höwes bilen Hudaýyň emrine boýun bolýar.

Ýunus pygamberiň kitabynda Hudaýyň Öz ýaradanlarynyň ählisine erkiniň ýetýändigi, şol bir wagtyň özünde-de, olary söýýändigi, rehimlidigi, geçirimlidigi, hatda Öz halkynyň duşmanlaryny jezalandyrmagyň, ýok etmegiň deregine olary goraýandygy görkezilýär.

***Mazmuny***

Ýunus pygamber çagyrylýar, ýöne ol boýun bolmaýar....................... *1:1-16*
Ýunus toba gelip, halas edilýär........................................................... *2:1-11*
Ýunus Ninewäniň ýykyljakdygyny aýdýar ........................................*3:1-10*
Hudaý Ninewä rehim edýär.................................................................. *4:1-11*

---

### 1-nji bap

***Ýunus Rebbiň emrinden boýun towlaýar***

1 Emitaý ogly Ýunusa Rebbiň şu sözi
aýan boldy: 2 «Hany bol, Ninewä – ol
beýik şähere git-de, onuň halkynyň
günäkärdigini jar et, çünki olaryň betpälligi Maňa aýan boldy».
3 Ýöne Ýunus Rebbiň nazaryndan gaçyp, Tarşyşa gitmek üçin ýola düşdi.
Ol Ýafo şäherine gelip, Tarşyşa gidýän bir gämi tapdy. Gäminiň ýol kireýini töledi we Rebbiň nazaryndan gaçyp, Tarşyşa gitmek üçin, gämiçiler bilen bile gämä mündi.
4 Emma Reb deňze güýçli ýel iberdi;
deňizde elhenç gaý turup, gämi çagşara
geldi. 5 Gämiçileri gorky gaplap aldy;
olaryň hersi öz hudaýyny çagyrmaga başlady. Olar gämini ýeňletmek üçin, ýüklerini deňze taşladylar. Ýunus bolsa aşakda, gäminiň içki ammarynda süýji

uka gidipdi. 6 Gäminiň başlygy onuň ýa-
nyna gelip: «Heý! Sen näme ýatyrsyň?
Tur, öz hudaýyňy çagyr. Belki, onuň
rehimi inip, bizi halas eder» diýdi.
7 Şol wagt gämiçiler biri-birlerine: «Ge-
liň, bije atalyň-da, haýsymyz sebäpli
bu bela duçar bolandygymyzy bileliň»
diýişdiler. Şeýlelikde, olar gurra taşla-
dylar. Gurra Ýunusa düşdi.
8 Onsoň: «Sen bize aýt, näme sebäpli
bu bela sataşdyk? Bu ýerde näme işläp
ýörsüň? Nireden gelýärsiň? Sen nireli?
Haýsy halkdan bolarsyň?» diýip, olar
ondan soradylar.
9 Ýunus bulara: «Deňzi we gury ýeri
ýaradan Gögüň Hudaýy Rebbe sygyn-
ýaryn. Men ýewreýdirin» diýip jogap
berdi. 10 Soňra gämiçiler juda gorkdu-
lar we Ýunusa: «Näme üçin beýtdiň?»
diýdiler. (Sebäbi Ýunus olara özüniň
Rebbiň nazaryndan gaçyp barýandy-
gyny aýdypdy.)
11 Deňiz gitdigisaýy gazaba münýärdi.
Gämiçiler Ýunusa: «Deňiz köşeşer ýaly,
biz seni näme edeli?» diýdiler. 12 Ýunus
olara: «Bu gaý-tupana duçar bolma-
gyňyza özümiň sebäpkärdigimi men
bilýärin. Meni göteriň-de, suwa taşlaň,
şonda deňiz köşeşer» diýdi.
13 Olar ýetişibildiklerine küreklәp, ke-
nara çykmaga dyrjaşýardylar, ýöne bu
olara başartmaýardy, çünki deňiz gitdi-
gisaýy güýçli çyrpynyp, olara garşylyk
görkezýärdi. 14 Şondan soň olar Rebbi
çagyrmaga durdular: «Ýa Reb, bu ada-
myň jany üçin bizi heläk etme, bularyň
hemmesi Seniň islegiň bilen boldy. Şoňa
görä, bizi nähak gana galdyrma». 15 Soňra
olar Ýunusy göterdiler-de, deňziň düý-
büne goýberdiler. Deňiz dessine köşeşdi.
16 Gämiçiler Rebden gaty gorkdular;
Oňa gurbanlyk berdiler we Oňa gulluk
etmäge kasam içdiler.

**2-nji bap**

1 Şondan soň Reb uly bir balyga Ýu-
nusy ýuwutmagy emr etdi. Ýunus üç
gije-gündizläp balygyň garnynda boldy.

***Ýunusyň dogasy***

2-3 Soňra Ýunus balygyň garnyndan öz Hu-
daýy Rebbe ýüzlenip, şeýle doga okady:
«Jebir çekenimde, ýa Reb,
çagyrdym Seni.
Jogap berdiň maňa.
Ölüler diýarynyň goýnundan
çagyrdym Seni,
eşitdiň Sen nalamy.
4 Çuňluga, deňizleriň bagryna
taşladyň meni.
Gurşady suwlar meni.
Ähli güýçli tolkunlaryň
üstümden geçdi meniň.
5 Şonda nazaryňdan kowuldym
diýdim,
ýa Reb, Seniň mukaddes
ybadathanaňy
ýene nädip görerin diýdim.
6 Suw kekirdegime geldi.
Ýesir düşdüm çuňluga.
Başyma çolaşdy deňiz otlary.
7 Indim daglaryň düýbüne.
Gapylary baky ýapylýan ýere
düşdüm.
Ýöne, eý, Hudaýym Reb, janymy
çuňlukdan halas etdiň.
8 Ýa Reb, jandan umyt üzenimde,
Seni çagyrdym.
Öz mukaddes ybadathanaňda
sözümi eşitdiň.
9 Puç butlara sygynanlar
öz wepalylygyny terk etdiler.
10 Men welin alkyşly aýdymlar bilen
Saňa gurbanlyk bererin.
Kasamymy berjaý ederin.
Gutulyş Rebdendir».

11 Reb balyga emr etdi. Balyk Ýunusy
gury ýere gusdy.

### 3-nji bap

*Ýunus Rebbe boýun bolýar*

1-2 Ýunusa Rebbiň sözi ikinji gezek
geldi: «Hany bol, Ninewä – şol beýik
şähere git-de, Meniň özüňe aýdýanla-
rymy onuň halkyna ýetir!»
3 Şunlukda, Ýunus Rebbiň sözüne bo-
ýun boldy we Ninewä tarap ýola düşdi.
Ninewe juda uly şäherdi. Onuň ol ba-
şyndan bu başyna çenli üç günlük ýoldy.
4 Ýunus şähere girdi we bir günlük ýol
geçip: «Ýene kyrk günden Ninewe ýy-
kyljak» diýip jar çekdi. 5 Nineweliler
Hudaýa ynandylar. Olar uludan-kiçä
hemmelere agyz beklemegi yglan etdiler.
6 Bu habar Ninewe patyşasyna ýetende,
ol tagtyndan düşüp, şa lybasyny çykardy
we jul geýnip, kül üstünde oturdy. 7 Soň-
ra ol özüniň hem-de töreleriniň adyndan
Ninewäniň halkyna şeýle buýruk berdi:
«Ähli adamlar-da, haýwanlardyr mal-gara-
lar-da hiç zat iýmesinler, suw-da içmesinler.
8 Ynsanu-haýwan jul geýinsin, bar güýji
bilen Hudaýa perýat etsin, öz ýaman ýolun-
dan dönüp, bet işlerinden el çeksin. 9 Belki,
Hudaý pikirini üýtgeder, gazabyndan sak-
lanar; şeýdip, biz heläk bolmarys».
10 Şondan soň Hudaý olaryň edenleri-
ni, ýaman ýoldan dönendiklerini görüp,
gazabyndan saklanyp, görkezjek diýen
erbetligini olara görkezmekden el çekdi.

### 4-nji bap

*Ýunus gaharlanýar*

1 Ýunus muňa gaty gamlandy we onuň
gahary geldi. 2 Ol Rebbe şeýle doga
okady: «Ýa Reb, şeýle boljagyny men
öz ýurdumdakam aýtmanmydym nä-
me? Men şol sebäpden hem dessine
Tarşyşa gaçdym-a. Seniň merhemet-
li, rehimli, giň göwünli, sadyk söýgä
baý Hudaýdygyňy we jeza bermekden
el çekmäge taýyndygyňy bilýärdim
ahyryn. 3 Indi bolsa, Ýa Reb, meniň
janymy al, çünki ýaşanymdan ölenim
gowudyr».
4 Reb oňa: «Seniň gaharlanmaga hakyň
barmy?» diýdi.
5 Ýunus şäherden çykdy we onuň gün-
dogar tarapynda bir ýerde dyz epdi. Şol
ýerde özüne çatma dikdi we şähere nä-
me bolýanyny görmek üçin, ol onuň
kölegesinde oturdy. 6 Ýunusyň üstüne
saýa salar ýaly we ony köşeşdirer ýaly,
Beýik Hudaý ol ýerde bir düýp ösümlik
gögertdi. Muňa Ýunusyň göwni galkyn-
dy. 7 Emma ertesi gün daňdan Hudaý bir
gurçuk iberdi we ol gurçuk ösümligi
içinden iýip, ony guratdy. 8 Gün doganda,
Hudaý gündogardan epgek öwüsdirdi.
Gün Ýunusyň depesini gaýnadyp baş-
lady, onda ysgyn-mydar galmady. Ol
özüne ölüm diläp: «Ýaşanymdan ölenim
gowudyr» diýdi.
9 Hudaý Ýunusdan: «Ösümlik ba-
batda gaharlanmaga hakyň barmy?»
diýip sorady. Ýunus: «Hawa, hakym
bar. Gahardan ýaňa özüme ölüm dile-
ýärin» diýdi.
10-11 Şonda Reb oňa şeýle diýdi: «Öz
zähmetiň siňmedik, bir gijäniň içinde
ösüp, bir gijäniň içinde-de guran ösümli-
ge seniň nebsiň agyranda, sagyny-soluny
saýgaryp bilmeýän ýüz ýigrimi müňden
agdyk adama we köp mal-garasy bolan
şeýle uly şäher Ninewä Meniň neneň
haýpym gelmesin?»

# Mika pygamberiň kitaby

## Giriş

Mika Işaýa pygamberiň döwründe ýaşan pygamberdir. Ol günorta patyşalygy Ýahuda degişli şäherçeleriň birinde ýaşaýardy. Amos pygamber öz wagtynda demirgazyk patyşalygy milli betbagtçylyga uçrar diýip duýdurypdy. Mika pygamber hem öz gezeginde şeýle betbagtçylygyň Ýahuda ýurduna hem injekdigi barada pygamberlik edýär. Demirgazyk we günorta patyşalyklaryň üstünden inen betbagtçylygyň sebäpleri meňzeşdi: Hudaý adalatsyzlygy ýigrenýändigi üçin, adalatsyzlyk edýän adamlary jezalandyrýardy. Ýöne Mika pygamberiň pygamberlik sözleri has aýdyň bolup, olarda gelejege bolan berk umyt bardyr.

Hudaýyň hökmürowanlyk sürmeginde tutuş älem-jahanda parahatlygyň boljagy (4:1-4) we Dawudyň neslinden doglup, milletlere parahatlyk getirjek beýik Patyşa (5:2-5) baradaky Mikanyň pygamberliklerini aýratyn belläp geçmek bolar. Ysraýyl pygamberleriň aýdanlarynyň jemi Mika pygamberiň kitabynyň bir aýadynda jemlenendir:

*«Eý, adamzat, Reb ýagşynyň nämedigini saňa bildirdi. Adalaty berjaý etmekden, merhemeti söýmekden, Hudaýyňyzyň öňünde kiçi göwünli gezmekden başga Reb sizden näme talap edýär?»*

*6:8.*

### *Mazmuny*


Ysraýylyň we Ýahudanyň höküm edilmegi .................................... *1:1–3:12*
Galkynyş we parahatlyk .................................... *4:1–5:15*
Duýduryş we umyt habary .................................... *6:1–7:20*


---

### 1-nji bap

1 Ýahuda patyşalary Ýotamyň,
Ahazyň we Hizkiýanyň döwründe
moreşetli Mika pygambere Samari-
ýa we Iýerusalim barada Rebbiň sözi
aýan boldy.

***Samariýa bilen Iýerusalim höküm edilýär***

2 Ähliňiz eşidiň, eý, halklar!
Gulak goýuň, eý, zemin we
onuň ýaşaýjylary!
Hökmürowan Reb mukaddes
mesgeninden
size garşy güwälik eder.
3 Ine, Reb Öz mekanyndan çykyp,
ýer ýüzüne inip, baýyrlarda ýörär.
4 Daglar Onuň aýak astynda erär,
dereler böwsülip,
otda ereýän mum ýaly,
kertden inýän suw deýin bolar.

[5] Bularyň bary Ýakubyň
nesilleriniň ýazygy,
Ysraýyl halkynyň günäleri
üçindir.
Ýakubyň nesilleriniň ýazygyna
kim sebäpkär?
Samariýa dälmi?
Ýahudanyň butlara seždegähi
nirede?
Iýerusalimde dälmi?
[6] «Şonuň üçin Men Samariýany
harabaçylyga,
üzümçilik ýerine öwrerin.
Daşlaryny derä döküp,
düýplerini açyk goýaryn»
diýýär Reb.
[7] «Ähli butlary bölek-bölek ediler,
haram gazançlarynyň bary oda
ýakylar,
butlarynyň baryny ýok ederin,
çünki bulary loly gazanjy bilen
toplady.
Olar ýene-de loly gazanjyna
öwrüler» diýýär Reb.

### *Mikanyň agysy*

[8] Munuň üçin men aglap, dady-
-perýat ederin.
Eşiksiz we aýakýalaňaç gezerin.
Şagallar kimin uwlaryn.
Düýeguşlar kimin gözýaş
dökerin.
[9] Samariýanyň ýarasyna em ýok.
Ol Ýahuda gelip ýetdi.
Halkymyň derwezesine,
Iýerusalime baryp ýetdi.
[10] Muny Gatda aýtmaň [a],
ahy-nalaňyzy bes ediň;
Beýtlegaparda [b]
gamgynlykdan guma togalanyň.
[11] Eý, Şapyr [ç] halky!
Ýalaňaçlanyp, utanç içinde ötüň.
Sawanan halky çadyryndan
çykmasyn [d].
Beýtesel halkynyň özi ýas tutýar,
ondan size ýardam bolmaz.
[12] Marotyň [e] halky ýagşylyga
sabyrsyzlyk bilen garaşýar,
emma Reb Iýerusalimiň
derwezesine bela inderdi.
[13] Eý, Lakyş halky, ýüwrük aty [ä]
araba goş.
Sen Sion gyzynyň [f] günäsiniň
gözbaşysyň,
çünki Ysraýylyň ýazygy senden
çykdy.
[14] Indi Moreşetgata hoşlaşyk
sowgadyny berersiň.
Akzyp [g] obasy Ysraýyl
patyşalaryna duzak bolar.
[15] Eý, Mareşa ilaty,
Reb galaňyza basybalyjy [h]
gönderer.
Ysraýylyň beýik ýolbaşçylary

---

[a] **1:10** ***Gatda aýtmaň*** – ýewreýçe *Gat* we *aýt* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[b] **1:10** ***Beýtlegapar*** – bu söz *gum öýi* diýmegi aňladýar.
[ç] **1:11** ***Şapyr*** – bu söz *ýakymly* diýmegi aňladýar.
[d] **1:11** ***Sawanan… çykmasyn*** – ýewreýçe *Sawanan* we *çykmak* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[e] **1:12** Ýewreýçe *Marot* we *ajy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.
[ä] **1:13** ***Lakyş halky, ýüwrük aty*** – ýewreýçe *Lakyş* we *ýüwrük at* diýen sözleriň aýdylyşy meňzeşdir.
[f] **1:13** ***Sion gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.
[g] **1:14** ***Akzyp*** – bu söz *aldaw* diýmegi aňladýar.
[h] **1:15** ***Mareşa… basybalyjy*** – ýewreýçe *Mareşa* we *basybalyjy* sözleriniň aýdylyşy meňzeşdir.

Adullam galasynda gizlener.
16 Söýgüli ogullaryňyza
ýas tutmak üçin saçyňyzy syryň.
Başyňyz çaýkeliňki kimin kel
bolsun,
çünki çagalaryňyz sürgün
ediler.

## 2-nji bap

### *Adalatsyzlyk ýurdy weýran edýär*

1 Düşeginde pislik oýlaýanlaryň,
niýetini ýamana düwýänleriň,
dat gününe!
Daň atanda niýetlerini amala
aşyrýarlar,
çünki olaryň muňa güýji ýetýär.
2 Gözüne ýakan ekin
meýdanlaryny
zorluk bilen alýarlar,
islän öýlerini eýeleýärler;
birini öýünden,
ýene birini bolsa mirasyndan
mahrum edýärler.
3 Şonuň üçin Reb şeýle diýýär:
«Men bu halka garşy bela
taýýynlaýaryn,
ondan boýun gaçyryp bilmersiňiz.
Başyňyzy dik tutup
gezmersiňiz,
çünki bu pis zamana bolar.
4 Şol gün sizi masgaralap
ýaňsylarlar,
siz şeýle agy aýdymyny
aýdarsyňyz:
„Büs-bütin weýran bolduk!
Reb halkymyň mirasyny
dagadýar.
Ol muny elimden alýar!
Ýerimizi haýynlara paýlaýar“».
5 Muňa görä Rebbiň halkynyň
arasynda
ýurt bije üsti bilen paýlaşylanda,
sizden paýy miras almaga adam
tapylmaz.
6 Adamlar: «Wagyz etme» diýip,
maňa wagyz edýärler,
«Beýle zatlar hakda wagyz etme,
biz utanja galmarys» diýýärler.
7 Eý, Ýakubyň nesli, heý:
«Rebbiň sabyr käsesi doldumy?
Ol beýle işleri edermi?»
diýmelimi siz?
Meniň sözlerim dogruçylyň
haýryna dälmi näme?
8 Emma siz halkymyň garşysyna
duşman kimin aýaga galýarsyňyz.
Söweşden gelýänleriň,
asuda geçip barýanlaryň egninden
donlaryny sypyrýarsyňyz.
9 Halkymyň aýallaryny
rahat öýlerinden kowýaňyz.
Çagalaryny berekedimden
ebedilik mahrum edýäňiz.
10 Turuň, gidiň,
çünki bu ýer dynçlyk ýeri däldir!
Murdarlygyňyz zerarly
bu ýer zalymlyk bilen weýran
ediler.
11 Ýalançy, kezzap biri gelip:
«Size bol şerap we çakyr
hakynda wagyz edeýin» diýse,
bu halk şeýle pygamberi kabul
eder.

### *Ysraýylyň aman galanlaryna Rebbiň wadasy*

12 «Eý, Ýakubyň nesilleri,
Men hökman ähliňizi bir ýere
ýygnaryn.
Ysraýyllardan aman galanlaryny
bir ýere toplaryn.
Men sizi agyldaky goýunlar
kimin,
örüdäki süri kimin bir ýere
getirerin.

Ýurduňyz ýene-de adamdan
dolar».
13 Taňry ýol açyp, halkyň öňünden
gider.
Gala derwezelerini ýykyp,
daşary çykarlar.
Patyşalary baş bolar,
Reb öňlerinden ýörär.

### 3-nji bap

***Ýolbaşçylar we pygamberler ýazgarylýarlar***

1 Men-Mika diýdim:
«Gulak goý, eý, Ýakup nesliniň
baştutanlary,
Ysraýyl halkynyň hökümdarlary!
Adalaty bilmeli siz dälmi näme?
2 Siz ýagşylygy ýigrenip,
ýamanlygy söýýärsiňiz,
halkymyň hamyny soýup,
süýeginden etini sypyrýarsyňyz.
3 Halkymyň hamyny soýup,
etini iýýärsiňiz,
süýeklerini döwüm-döwüm edip,
gazana, taba atyljak
et kimin dograýarsyňyz».

4 Soňra olar Rebbe dady-perýat
ederler.
Emma Reb olara jogap bermez.
Ol ýüzüni olardan gizlär,
çünki olar pis işleri etdiler.

5 Halkymy azaşdyryp,
özlerini doýurýanlara asudalyk
diläp,
doýurmaýanlara-da uruş yglan
edýän
pygamberler hakynda Reb şeýle
diýýär:
6 «Munuň üçin gijäňiz görnüşsiz
bolar,
sizi tümlük gaplar, palçylyk
edip bilmersiňiz.
Pygamberleriň üstünden gün ýaşar,
gündiz gijä öwrüler.
7 Görgürler masgara ediler,
palçylar utanja galar.
Hudaýdan jogap bolmany üçin,
olar uýatdan ýüzlerini örterler».

8 Men bolsa Ýakuba ýazygyny,
Ysraýyla günäsini jar etmäge,
Rebbiň Ruhy bilen güýçden,
adalatdan, gudratdan doludyryn.
9 Muňa gulak asyň,
eý, adalaty ýigrenip, hakykaty
ýoýýan
Ýakup nesliniň baştutanlary!
Ysraýyl halkynyň ýolbaşçylary!
10 Siony gan bilen,
Iýerusalimi adalatsyzlyk bilen
bina edýänler!
11 Onuň baştutanlary para alyp,
höküm çykarýarlar,
ruhanylary tölegli sapak berýärler,
pygamberleri pul üçin palçylyk
edýärler.
Şonda-da olar Rebbe daýanyp:
«Reb biziň bilendir!
Başymyza hiç bela gelmez»
diýýärler.
12 Şonuň üçin hem siz sebäpli
Sion ekin meýdany kimin sürler.
Iýerusalim harabaçylyga öwrülip,
dag depesindäki ybadathanany
jeňňellik basar.

### 4-nji bap

***Rebbiň dagy***
*(Işaýa 2:1-4)*

1 Ahyrky günlerde şeýle bolar:
Rebbiň öýi daglaryň iň beýigi
deý berkarar ediler,

depelerden belent bolar ol,
halklar oňa tarap eňerler.
2 Köp milletler gelip, şeýle diýerler:
«Geliň, Rebbiň dagyna,
Ýakubyň Hudaýynyň öýüne
çykalyň,
ýodalaryndan ýörär ýaly,
Ol bize Öz ýollaryny öwreder».
Çünki kanun Siondan,
Rebbiň sözi Iýerusalimden çykar.
3 Reb halklar arasynda kazylyk
eder,
köp milletleriň dawalaryny
çözer;
olar gylyçlaryndan azal,
naýzalaryndan orak ýasarlar.
Millet millete garşy gylyç
galdyrmaz,
söweşmegi öwrenmezler indi.
4 Her kes öz üzüm,
injir baglarynyň saýasynda
oturar,
olary hiç kim gorkuzmaz,
çünki Hökmürowan Rebbiň Özi
aýtdy.
5 Bütin halklar öz hudaýlarynyň
yzyna eýererler,
emma biz ömürlik Hudaýymyz
Rebbiň yzyna eýereris.

### *Ysraýyllar sürgünden gaýdyp geljek*

6 Reb diýýär: «Şol gün Men
maýyplary ýygnaryn.
Kowlan, ejir gören halkymy bir
ýere toplaryn.
7 Agsaklary aman galdyraryn,
uzaklara sürlenleri güýçli millet
ederin.
Şu günden tä ebedä çenli Sion
dagynda
Men – Reb olara hökümdarlyk
ederin».
8 Eý, süriniň gözegçi diňi bolan
Sion gyzynyň galasy!
Gaýtarylyp berler
hökümdarlygyň,
Iýerusalim gyzynyň patyşalygy
dikeldiler.
9 Indi näme üçin möňňürip
aglaýaň?
Dogurýan aýal ýaly nämä ah
çekýäň?
Patyşaň ýoklugy üçinmi?
Geňeşdaryň heläk bolany
üçinmi?
10 Eý, Sion gyzy, dogurýan aýal ýaly
agyryňy çekip, görgiňi gör.
Çünki indi düzde ýaşarsyň sen,
galadan çykyp,
Babyla gidip, ol ýerde halas
bolarsyň.
Reb şol ýerde duşmandan halas
eder seni.
11 Indi köp milletler
Saňa garşy birleşip:
«Goý, Sion haram bolsun,
muny öz gözümiz bilen göreli!»
diýişýärler.
12 Emma Rebbiň pikirini bilmeýär
olar,
Onuň maksadyna-da
düşünmeýärler.
Harmanda döwüljek bugdaý
desseleri deý
jezalandyrmak üçin
Reb olary bir ýere jemledi.
13 Reb şeýle diýýär:
«Eý, Sion gyzy! Tur, döwek döw!
Şahyňy demirden,
toýnaklaryňy bürünçden ederin
Men.
Onsoň sen köp halklary ezersiň.
Olaryň ähli gazananlaryny,
baýlyklaryny

Maňa – bütin älemiň
Hökümdaryna bagyş
edersiň».

## 5-nji bap

### *Beýtullahamdan çykjak hökümdar*

1 Eý, Iýerusalim halky, goşunyňy
topla!
Daşymyz gabalýar.
Ysraýyl hökümdarynyň dulugyna
taýak bilen urýarlar.
2 Emma sen, eý, Beýtullaham-Efrat,
Ýahuda uruglarynyň kiçisi
bolsaň-da,
senden çykar Ysraýylda Meniň
üçin hökümdarlyk etjek,
onuň asly owaldan, gadymdan
bäri bardyr.
3 Tä göwreli aýal dogurýança,
duşmanlaryna tabşyrylar
ysraýyl halky.
Soňra onuň ýesir düşen doganlary
Ysraýyl halkyna dolanarlar.
4 Ol gelip, Rebbiň güýji bilen,
Hudaýy Rebbiň ajaýyp ady
bilen
bakar sürini.
Olar asuda ýaşarlar;
bütin dünýä ýaýrar beýikligi
onuň.
5 Ol halkyna parahatçylyk getirer.

Aşurlylar ýurdumyza gelip,
köşgümizi basgylasalar,
biz ýedi çopany, sekiz serdary
olaryň garşysyna ibereris.
6 Olar Aşur ýurduny gylyç bilen,
Nimrody alawly gylyç bilen
dolandyrarlar.
Serhedimizden geçip, ýurdumyza
girjek bolýan
aşurlylardan halas ederler bizi.
7 Ýakubyň neslinden aman
galanlary
köp halklaryň arasynda
Rebbiň iberen çygy dek,
ynsana garaşmaýan,
adamzatdan çözülmeýän,
ot üstüne ýagýan çabga dek
bolarlar.
8 Ýakubyň neslinden aman
galanlary
milletleriň, köp halklaryň
arasynda
jeňňel haýwanlarynyň
arasyndaky arslan,
goýun sürüsine aralaşan şir
çagasy dek bolarlar,
arslan deý hüjüme geçende,
basgylap, tüýdüm-tüýdüm eder,
hiç kim olary onuň penjesinden
halas etmez.
9 Eý, ysraýyllar, siz
garşydaşlaryňyzy ýeňersiňiz.
Ähli duşmanlaryňyz gyrlyp ýok
bolar.
10 Reb diýýär:
«Şol gün atlaryňyzy gyraryn,
söweş arabalaryňyzyň ýoguna
ýanaryn.
11 Ýurduňyzyň şäherlerini weýran
ederin,
ähli galalaryňyzy haraba
öwrerin.
12 Jadygöýleriňizi gyraryn,
araňyzda palçy galdyrmaryn.
13 Butlaryňyzy, dikme daşlaryňyzy
ýok ederin,
indi siz öz eliňiziň işine sežde
etmersiňiz.
14 Aşera butlaryny sogrup taşlaryn,
galalaryňyzy weýran ederin.
15 Boýun bolmaýan milletlerden
gahar-gazap bilen öç alaryn».

## 6-njy bap

### *Reb ysraýyl halkyny günäkärleýär*

1 Rebbiň aýdýan sözüne gulak
asyň!
Turuň, dawaňyzy daglaryň
öňünde beýan ediň,
Baýyrlar-da sesiňizi eşitsin!
2 Eý, daglar, ýer ýüzüniň sarsmaz
binýatlary,
Rebbiň dawasyna gulak asyň!
Çünki Rebbiň Öz halky bilen
dawasy bar,
Ol Ysraýyl bilen haklaşar.
3 «Eý, halkym, Men saňa näme
etdim?
Nämede saňa ýük boldum?
Maňa jogap ber!
4 Men sizi Müsürden çykardym,
Gulçulykdan azat etdim,
Size baş edip,
Musany, Haruny we Merýemi
iberdim.
5 Eý, halkym, Mowap şasy
Ballagyň saňa garşy niýetini,
Begoryň ogly Bilgamyň oňa
beren jogabyny,
Şitimden Gilgala çenli bolan
işleri ýadyňa sal!
Şonda Men-Rebbiň halas ediş
işlerimi bilersiň» diýýär Reb.

### *Adamzat Rebbe näme gaýtarmaly*

6 Rebbiň huzuryna näme bilen
baraýyn?
Gökdäki Hudaýa nähili sežde
edeýin?
Onuň huzuryna
ýakma gurbanlygy bilen
baraýynmy?
Ýa-da bir ýaşar göleler bilen?
7 Reb müňlerçe goçdan,
On müňlerçe zeýtun ýagly
derýadan hoşal bolarmy?
Ýazygym üçin nowbahar oglumy
bereýinmi?
Janymyň günäsi üçin bilimden
öneni bereýinmi?
8 Eý, adamzat, Reb ýagşynyň
nämedigini saňa bildirdi.
Adalaty berjaý etmekden,
merhemeti söýmekden,
Hudaýyňyzyň öňünde kiçi
göwünli gezmekden başga
Reb sizden näme talap edýär?

### *Ysraýylyň aldawy we jezasy*

9 Reb gala seslenýär,
(Seniň adyňdan gorkmak
danalykdyr).
Ol diýýär: «Eý, halk we gala
jemagaty, diňläň!
10 Öýlerini haram hazynalardan
dolduran pisleri,
Men nädip bilmezlige salaýyn?
Kem ölçemek näletlidir.
11 Ýalan tereziler ulanan,
torbasy kem ölçeg daşly adamy
Men neneňsi aklaýyn?
12 Baýlary sütemden doly,
halky-da ýalançy,
agyzlaryndan ýalan sözler çykýar.
13 Şonuň üçin Men size zarba urup,
günäleriňiz sebäpli sizi weýran
etdim.
14 Iýersiňiz, emma doýmarsyňyz,
aç galarsyňyz.
Ýygnarsyňyz, ýöne saklamarsyňyz.
Saklanyňyzy gylyç bilen ýok
ederin.
15 Ekersiňiz, emma ormarsyňyz.
Zeýtuny ýenjersiňiz, emma
ýagyny sürtmersiňiz,
üzüm sykarsyňyz, emma
şerabyny içmersiňiz.

16 Çünki Omry şanyň parzlaryna,
Ahap nesilleriniň pis işlerine eýerdiňiz,
geňeşlerine uýduňyz.
Şonuň üçin Men sizi haraba öwrerin,
ilatyňyzy ile ryswa ederin;
halkymyň kemsitmesini çekersiňiz».

## 7-nji bap

### *Mika pygamberiň ahy-nalasy*

1 Dat günüme meniň!
Çünki men tomus miwesiniň,
üzümiň galan-gaçanynyň ýygnalyşy kimindirin;
ýekeje salkym ýok iýer ýaly;
injiriň ilki miwesini küýseýär göwnüm!
2 Ýer ýüzünde wepadar galmady,
ynsanlaryň arasynda dogruçyly ýok.
Gan dökmek üçin bukuda ýatýar bary,
dogan dogana duzak gurýar.
3 Pis işe türgendir elleri,
hökümdarlar, kazylar para soraýarlar,
güýçlüler arzuwyna zor bilen amal edýärler.
Adalaty ýoýýarlar şeýdip.
4 Iň gowusy tiken kimindir,
iň dogruçyly tikenli germewden beterdir.
Gözegçileriniň duýduryşy deý,
olaryň jeza güni gelip ýetdi.
Indi howsala düşýär olar.
5 Dostuňa ynanma,
gardaşyňa bil baglama,
gujagyňda ýatýan aýalyňyň ýanynda
agzyňa bek bol.
6 Çünki ogly atasyny äsgermeýär,
gyz enesine garşy gidýär,
gelin gaýynenesiniň ýüzüni alýar,
öz içeriňiz size duşmandyr.
7 Emma men gözlerimi Rebbe dikerin,
Halasgär Hudaýyma bil baglaryn.
Maňa gulak asar Hudaýym.

### *Ýykylsam-da, galaryn*

8 Eý, duşmanym, heşelle kakma halyma,
ýykylsam-da, galaryn.
Garaňkylykda otursam-da,
Reb maňa nur bolar.
9 Meniň tarapymy çalyp,
hüküm edip, tä alyp berýänçä hakym,
çekmelidirin Onuň gahar-gazabyn.
Çünki men Rebbe garşy günä etdim.
Ol meni ýagtylyga çykarar,
men Onuň hakykatyny görerin.
10 «Hany, Hudaýyň Reb nirede?»
diýen duşmanym muny görer,
ol utanja galar.
Duşmanymyň ýykylyşyny
öz gözlerim bilen görerin.
Köçeleriň palçygy dek,
aýak astynda basgylanar ol.
11 Eý, Iýerusalim,
diwarlaryň guruljak güni geler!
Şol gün uzaklara gider serhet.
12 Şol gün Aşurdan Müsüre,
Müsürden Ýewfrat derýasyna,
deňizden deňze, dagdan daga çenli
uzaklardan gelerler size.
13 Emma ilatlaryň etmişleri sebäpli,
weýran bolar ýer ýüzi.

14 Ýa Reb, Öz mirasyň bolan bu
sürä,
Öz halkyňa hasaň bilen
çopançylyk et!
Olar tokaýlarda,
gök ýaýlalarda ýeke ýaşaýarlar;
gadymkylar deý
Başanda, Gilgatda otlat olary.
15 Bize ajaýyp zatlar görkez
Müsürden çykaran döwrüňdäki
deý.
16 Milletler muny görüp,
öz kuwwatlaryndan utanarlar.
Ellerini agyzlaryna tutarlar,
gulaklaryny dykarlar.
17 Ýylanlar we süýrenijiler ýaly gum
ýalarlar.
Galalaryndan titreşip çykarlar.
Gorky içinde Hudaýymyz Rebbe
tarap öwrülip,
Senden heder ederler.
18 Öz mirasyndan aman galanlaryň
ýazygyny bagyşlap,
günäsini geçýän başga Hudaý
barmyka?
Gazabyny ebedi saklamaýar Ol,
çünki Ol merhemet görkezmegi
söýýär.
19 Rehimi iner Onuň bize ýene-de.
Etmişlerimizi aýak astyna atar.
Ähli günälerimizi
deňziň düýbüne taşlarsyň.
20 Owaldan bäri ata-
-babalarymyza söz berşiň ýaly,
Ýakuba we Ybraýyma
wepalylygyňy görkezersiň.

# Nahum pygamberiň kitaby

## Giriş

*Nahum pygamberiň kitaby* goşgy görnüşinde ýazylandyr. Kitapda Aşur şalygynyň paýtagty Ninewäniň synmagy beýan edilýär. Aşur şalygy Ysraýylyň köne we ýowuz duşmanydy. Hudaý bu şähere ozal Ýunus pygamber arkaly duýduryş berip, gahar-gazabyny ondan sowupdy. Emma aşur milletiniň gitdigisaýy artýan zalymlygy, tekepbirligi we rehimsizligi Hudaýyň sabyr käsesini pürepür edensoň, Ol Öz gahar-gazabyny onuň üstünden inderip, ony jezalandyrýar. Bu wakalar b. e. öň VII asyryň ahyrlarynda bolup geçýär.

### *Mazmuny*


Ninewäniň höküm edilmegi ........ *1:1-15*
Ninewäniň synmagy ........ *2:1–3:19*


---

### 1-nji bap

[1]Ninewe şäheri hakyndaky pygamberlik; elkoşly Nahum özüne gelen aýanlygy ýazyp aldy.

### *Rebbiň Ninewä garşy gahar-gazaby*

[2] Reb gabanjaň we öç alýan
Hudaýdyr,
Ol ar alýandyr we gazapdan
doludyr,
duşmanlaryndan öç alýandyr,
ýagylaryna garşy
gazaplanýandyr.
[3] Reb giň göwünli we gudratlydyr,
Ol ýazyklyny jezasyz goýmaz.
Rebbiň ýoly tupanly we gaýlydyr,
bulutlar Onuň aýak tozudyr.
[4] Ol buýrugy bilen deňizleri guradýar,
bütin derýalary takyradýar,
Başan we Karmel daglary solýar,
Liwanyň gülleri solýar.
[5] Rebbiň öňünde daglar titreýär,
baýyrlyklar ereýär,
ýer sarsýar,
dünýä ilaty bilen lerzana gelýär.

[6] Kim Onuň gaharyna garşy durup
bilýär?
Kim Onuň lowlaýan gazabyna
çydam edýär?
Rebbiň gazaby ot deýin inýär,
öňünde gaýalar kül-peýekun
bolýar.
[7] Reb ýagşydyr,
betbagtlyk gününde halkyna
penadyr;
Ol Öz penasyndakylary
goraýandyr.

8 Emma Ol Ninewäni
daşgyn sil bilen ýok eder,
duşmanlaryny garaňkylyga
kowalar.
9 Rebbiň garşysyna näme
dildüwşük gurasalar-da,
Ol hemmesini ýok eder,
muşakgat ikilenç inmez.
10 Duşmanlar tikenler deý
biri-birlerine çyrmaşyp,
arakhorlar kimin serhoşdyrlar;
gury saman deýin ýakylyp
taşlanarlar.
11 Rebbe garşy ýamanlyk guraýan,
pisligi maslahat berýän
sizden çykdy, eý, nineweliler!

### *Ýahuda üçin hoş habar*

12 Reb halkyna şeýle diýýär:
«Aşurlar köp we güýçli
bolsalar-da,
gyrlyp, ýok bolup giderler.
Eý, Ýahuda, size ejir
çekdirenem bolsam,
mundan artyk ejir
çekdirmerin.
13 Sizi Aşuryň boýuntyrygyndan
azat ederin,
gandallaryňyzy kesip taşlaryn».

14 Reb siz barada şeýle buýruk
berýär:
«Adyňyzy dowam etdirer ýaly,
sizden zürýat önmez.
Hudaýlaryňyzyň
buthanasyndaky oýma,
guýma butlary ýok ederin.
Siziň gabryňyzy taýynlaryn,
çünki siz ýigrenjisiňiz».

15 Ine, size hoş habar getirýän,
parahatçylygy jar edýän çapar
daglardan aşyp gelýär.
Eý, ýahuda halky, baýramlaryňy
belle,
beren wadalaryňy berjaý et.
Indi pis millet üstüňize hüjüm
etmez,
çünki olar bütinleý ýok edilerler.

## 2-nji bap

### *Ninewäniň synmagy*

1 Eý, Ninewe, ýumrujy garşyňa
çykdy,
galalaryňy gora,
ýoly garawulla.
Biliňi berk guşap,
bar güýjüňi jemle.

2 Duşmanlar Ysraýyly talap, haraba
öwrüp,
üzüm şahalary dek sypyran
bolsalar-da,
Reb Ýakubyň şöhratyny,
Ysraýylyň beýikligini öňküsi
ýaly dikelder.

3 Duşman söweşijileriň galkany
çym gyzyldyr,
esgerleriniň lybasy goýy
gyrmyzydyr.
Taýýarlyk gününde söweş
arabalarynyň tigirleri ot
saçýar,
san-sajaksyz naýzalar howada
galgaýarlar.
4 Söweş arabalary köçelerde
dälirän dek çapyşýarlar,
meýdançalarda çar tarapa çarp
urýarlar.
Şamçyraglar kimin şugla saçyp,
ýyldyrym deýin okdurylýarlar.
5 Ninewe şasy saýlama esgerlerini
toplaýar,
olar ýolda büdreýärler,

hüjüm edýänler gala tarap
okdurylýarlar.
Germewler gurulýar,
6 derýa derwezeleri açylýar,
köşk opurylýar.
7 Aýdylan berjaý boldy, şäher
sürgün edildi,
kenizleri gumry deýin nalap,
gursaklaryna urdular.
8 Suwy akyp gidýän howdan
ýalydyr Ninewe,
«Duruň, duruň!» diýip
gygyryşýarlar,
emma yza bakýan ýokdur.
9 Kümşi talaň,
Altyny talaň!
Tükeniksiz hazyna!
Ummasyz baýlyk!

10 Çolardy, harabalyga öwrüldi,
weýran boldy!
Ýürekler ezilip, dyzlar titreýär,
hemmäniň süňňi sarsyp,
ýüzleri çuw ak bolýar.
11 Arslanlaryň sürenine,
ýaş arslanlaryň ýerine näme
boldy?
Arslanlaryň barýan,
çaga arslanlaryň gorkusyz
gezýän ýerine näme boldy?
12 Arslanlar öz çagalary üçin
ýeterlik aw awladylar,
ene arslanlar üçin awuny bogup
öldürdiler,
gowaklaryny awdan,
sürenlerini oljadan doldurdylar.

13 «Men saňa duşmandyryn».
«Söweş arabalaryňy tütedip
ýakaryn,
ýaş şirleriň gylyçdan gyrlarlar,
ýer ýüzünden toplan oljalaryňy
ýok ederin,
çaparlaryňyň sesi eşidilmez asla».
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

## 3-nji bap

1 Ganhor şäheriň dat gününe!
Kezzaplykdan, oljalardan
dolusyň,
tükenmezdir seniň
talaňçylygyň!
2 Gamçy sesi,
araba tigirleriniň takyrdysy,
çapýan atlaryňdyr söweş
arabalarynyň tapyrdysy!
3 Atly goşun hüjüm edýär,
gylyç ýalpyldap, naýza bark
urýar.
Üýşmek-üýşmek jesetler,
san-sajaksyz läşler,
maslyklara büdreýärler!
4 Bularyň bary zynahorlyk
edendigiň üçin,
jadygöýligiň bilen halklary
heläkçilige eltendigiň üçin,
jadylyk bilen milletleri gul
edendigiň üçin,
gözbagçylyk bilen halklary
özüňe çekendigiň üçin boldy.
5 Hökmürowan Reb:
«Men seniň duşmanyňdyryn, eý,
Ninewe halky!» diýýär.
«Eşigiňi sypyryp,
milletlere ýalaňaçlygyňy
görkezerin,
patyşalyklara aýbyňy açaryn.
6 Üstüňe nejislik ýagdyryp,
ile ryswa ederin,
tomaşa öwrerin.
7 Seni görenleriň bary gaçyp, şeýle
diýerler:
„Ninewe haraba öwrüldi,
Kim onuň ýasyny tutar?“
Saňa teselli berjekleri nireden
tapaýyn?»

8 Töweregi suw bilen gurşalan,
Niliň kenaryndaky deňiz galaly,
suw berkitmeli No-Amondan
niräň artyk?
9 Efiopiýa bilen Müsür onuň çäksiz
güýjüdi,
Put we Liwiýa onuň
kömekçileridi.

10 Emma şonda-da No-Amon halky
tutulyp sürgün edildi,
çagalary her köçäniň başynda
daşa urlup öldürildi.
Onuň emeldarlary üçin bije
atyldy,
beýik adamlar zynjyrlandy.
11 Sen hem, eý, Ninewe, serhoş
bolup,
huşuňdan gidip ýykylarsyň,
duşmanlardan özüňe pena
agtararsyň.
12 Ähli galalaryň injir agajynyň
ilki ýetişen miwesi kimindir;
silkelenende, iýýäniň agzyna
düşýär.
13 Esgerleriňe seret,
olar araňyzda heleý ýalydyrlar!
Ýurduňyň derwezeleri
duşmanlaryňa gujak açýar,
derwezäň kiltleri küle öwrüldi.

14 Gabaw döwri üçin suw çek,
galalaryňy berkit,
laýy depeläp,
palçygy eýle,
kerpiç galybyny taýýynla!

15 Şol ýerde ýanyp kül bolarsyň,
sen gylyçdan ölersiň,
seni çekirtgäniň ekini ýalmaýşy
dek ýalmar.
Çekirtgelerçe köpel,
teneçirlerçe örňe!
16 Söwdagärleriň sanyny köpeltdiň,
olar göklerdäki ýyldyzlardan-da
köp,
emma olar çekirtge deý ülkäňi
talap, uçup gidýärler.
17 Goragçylaryň teneçirler,
baştutanlaryň çekirtge sürüleri
ýaly,
olar Günüň sergin çagynda
haýatlarda ornaşyp,
Gün dogan badyna gaýyp
bolýarlar,
niredediklerini bilýän ýokdur.

18 Eý, Aşur şasy,
baştutanlaryň gözleri
ýumlandyr.
Tanymal adamlaryň uka
gidendir,
halkyň daglara dagady,
olary bir ýere jemläre hiç kim
ýok.
19 Derdiňe derman bolmaz,
ýaralaryň gutulmaz,
seniň başyňa gelenini eşiden her
kes
begenjinden el çarpar.
Çünki seniň dynuwsyz
zulumyňdan
heý, gaçyp gutulan boldumy?

# Habakuk pygamberiň kitaby

## Giriş

Habakuk pygamber Hudaýdan gelen görnüşleri b. e. öň VII asyrda görýär. Şol döwürde Babyl şalygy dünýä agalyk sürýärdi. Pygamber babyllylaryň beýleki halklara edýän sütemlerini görüp, Rebbe şeýle sözler bilen ýüzlenýär:

> *«Hilegärlere neneň jeza bermän çydaýaň, erbetler özlerinden dogryny ýuwudýarka, Sen näme dymýaň?»*
>
> *1:13.*

Reb hem muňa jogap berip, wagty gelende hereket etjekdigini, dogruçylyň bolsa iman bilen ýaşajakdygyny aýdýar.

Habakuk pygamber erbetleriň jezalandyryljakdygy baradaky pygamberlikleri hem aýdýar. Kitap onuň berk imanyny beýan edip, beýik Hudaýyň şanyna aýdylýan öwgi nagmasy bilen tamamlanýar.

### *Mazmuny*


Habakuk pygamber şikaýat edýär we Reb jogap berýär.................... *1:1–2:4*
Erbetler jezalandyrylýar........................................................*2:5-20*
Habakugyň doga-dilegi............................................................*3:1-19*


---

### 1-nji bap

1 Habakuk pygambere aýanlyk arkaly gelen pygamberlik.

***Habakuk adalatsyzlykdan şikaýat edýär***

2 Ýa Reb, haçana çenli medet diläp
perýat edeýin?
Sen gulak salýaňmy?
Zulumdan perýat edýän,
ýöne Sen halas etmeýäň.
3 Näme üçin pisligi maňa
gördürýäň?
Ýamanlyga neneň çydaýaň?
Zorluk we zulum gözümiň alnynda,
uruş-galmagalyň, jenjeliň soňy
gelenok.
4 Şonuň üçin kanunyň güýji ýok,
adalata ýol ýok.
Erbetler dogruçyllardan üstün
çykýarlar,
şeýdibem, hakykat ýoýulýar.

***Rebbiň jogaby***

5 «Milletlere serediň!
Haýran galyň!
Siziň günleriňizde
etjek işimi eşideniňizde,
gulagyňyza ynanmarsyňyz.
6 Özgeleriň ýurtlaryny eýelejek
bolup,

dünýäniň çar tarapyna ýöriş
edýän
rehimsiz we zalym babyl milletini
size garşy öjükdirerin.
7 Aýylganç hem gorkunçdyrlar,
öz düzgünlerine görä hereket
edýärler.
8 Atlary barsdan ýüwrük,
özlerem gijeki aç gurtdan
guduz.
Atlylary uzakdan ýer gazap
gelýär,
aw üstüne topulýan bürgüt dek
okdurylýarlar.
9 Zulum etmekde olaryň hyýaly,
çölüň ýeli kimin öňe dyzaýar.
Ýesirleri çäge kimin toplaýarlar.
10 Patyşalary masgaralaýarlar,
hökümdarlary ýaňsylaýarlar,
galalaryň üstünden gülýärler,
ýanynda depe ýasap, ele
salýarlar.
11 Olar ýel kimin geçip gidýärler.
Bu günäli adamlaryň hudaýy –
öz güýçleri».

### *Habakuk ýene-de Rebbe şikaýat edýär*

12 Owaldan bar bolan Sen dälmi, ýa
Reb?!
Mukaddes Hudaýym biz
ölmeris!
Eý, Reb, babyllylary bize höküm
etsin diýip saýladyň,
eý, Gaýam, olary bize jeza
bersin diýip bellediň.
13 Pisligi görerden päkdir gözleriň,
ýamanlyga seredip bilýän dälsiň
Sen.
Hilegärlere neneň jeza bermän
çydaýaň,
erbetler özlerinden dogryny
ýuwudýarka,
Sen nämä dymýaň?
14 Sen ynsanlary deňizdäki balyklar
ýaly,
serdarlary bolmadyk
süýrenijiler ýaly etdiň.
15 Duşmanlar olary çeňňek bilen
tutýarlar,
torlary bilen awlaýarlar,
giň torda gyra çekip çykarýarlar.
Muňa şatlanyp, heşelle
kakýarlar.
16 Olar hudaýlary hökmünde toruna
gurbanlyk berýärler,
toruň hatyrasyna ýakymly ysly
tütetgi ýakýarlar,
çünki tory olary lezzetli durmuş,
bol saçak bilen üpjün edýär.
17 Torlaryny boşatmagyny dowam
ederlermi?
Milletleri rehimsizlik bilen
gyrarlarmy?

## 2-nji bap

1 Gözegçilik edýän ýerimde
duraryn,
diňiň üstüne çykaryn.
Rebbiň maňa näme diýjegini
bileýin,
şikaýatyma näme jogap
berjegini göreýin.

### *Rebbiň Habakuga jogaby*

2 Reb maňa şeýle jogap berdi:
«Aýanlygy ýaz,
habarçy bir nazarda okar ýaly,
ony düşnükli hem aýdyň edip ýaz.
3 Aýanlyk bellenen wagt üçindir,
ol soňky günleriňiz hakda
aýdýar,
bu ýalan däl.
Haýal bolsa-da, sen oňa garaş,
ol wagt hökman geler,
eglenmez.

4 Sered-ä olaryň tekepbirligine!
Olaryň niýeti betpäl,
emma dogruçyl iman bilen
ýaşar».

### *Habakuk erbetlere jeza yglan edýär*

5 Baýlyk aldawçydyr. Baýlar
tekepbirdirler,
olarda ynjalyk bolmaz,
ölüler dünýäsi ýaly açgözdirler,
doýmazlar asla ölüm ýaly.
Ähli milletleri ýanlaryna toplap,
ähli halklary basyp alýarlar
olar.

6 Ýesirler olary ýaňsylap diýýärler:
«Ogurlanan zatlary toplaýanyň
dat gününe!
Haçana çenli agyr girewleri öz
üstüňe aljak?»
7 Algydarlaryňyz bir gün
duýdansyz peýda bolup,
oýanyp, sizi gorkudan
titretmezlermi?
Onsoň siz olara olja bolarsyňyz.
8 Köp milletleri talandygyňyz üçin,
ynsanlaryň ganyny döküp,
ýurda, şäherlere we ilatyna sütem
edendigiňiz üçin,
halklaryň aman galanlary sizi
talarlar.
9 Öýüni haram gazanç bilen
dolduryanyň,
betbagtlyk penjesinden gaçmak
üçin,
öýüni belentlikde gurýanyň dat
gününe!
10 Köp halklaryň soňuna çykmak
bilen
öz öýüňizi utanja goýduňyz,
janyňyzdan mahrum bolduňyz.
11 Hatda diwar daşlary bu barada
gygyrarlar,
agaç pürsi jogap berer.
12 Gan döküp, şäher guranyň,
Adalatsyzlyk bilen galanyň
düýbüni tutanyň
dat gününe!
13 Halklaryň çeken zähmetiniň
biderek bolmagy,
milletleriň özlerini biderek
kösemegi
bu Hökmürowan Rebbiň işi
dälmidir?
14 Suwlaryň deňzi dolduryşy deýin,
bütin ýer ýüzi-de,
Rebbiň şöhraty hakyndaky
bilimden dolar.
15 Ýalaňaçlygyna tomaşa etjek
bolup,
goňşularyny şerapdan serhoş
edýänleriň dat gününe!
16 Şan-şöhratyňyz utanja öwrüler,
indi siz hem içip, serhoş
ýörersiňiz.
Reb size sag elindäki jeza
käsesinden içirer,
şonda siz abraýdan düşüp, ile
ryswa bolarsyňyz.
17 Liwanda eden sütemiňiz öz
başyňyza geler,
gyran haýwanlaryňyz sizi uly
howpa salar.
Çünki siz ynsan ganyny
dökdüňiz,
ýurtlara, şäherlere, ilatyna
sütem etdiňiz.
18 Hünärmendiň ýasan oýma we
guýma butlarynyň,
ýalançylygy öwretmekden
başga ne haýry bar?
Ýasalan zat diňe but bolup, gepläp
bilmese-de,
hünärment öz ýasan zadyna bil
baglaýar.
19 Agaja: «Oýan!»,

dilsiz daşa: «Tur!» diýýäniň,
dat gününe!
But ýol görkezip bilermi?
Altyn-kümşe gaplanandyr ol,
ýöne içinde jany bolmaz.
20 Emma Özüniň mukaddes
ybadathanasyndadyr Reb,
goý, bütin dünýä dymsyn Onuň
öňünde!

## 3-nji bap

### *Habakugyň dilegi*

1 Pygamber Habakugyň Şigýonot[a]
boýunça dilegi.
2 Şan-şöhratyň barada eşitdim,
ýa Reb!
Ýa Reb, işleriňe haýranlar
galýan!
Biziň döwrümizde işleriňi
janlandyr,
biziň günlerimizde olary
aýan et,
gazap içindekäň rehim etmegi
unutma.
3 Hudaý Teýmandan,
Mukaddes Bolan Paran
dagyndan geldi. *Sela*
Onuň şöhraty gökleri gaplady,
ýer ýüzi Oňa bolan öwgülerden
doldy.
4 Onuň ýagtysy Gün kimindir,
elleri nur saçýandyr,
gudratynyň syry elindedir.
5 Onuň öňünden gyrgyn keseli,
yzyndan ölüm gitdi.
6 Ol saklananda, ýer sarsdy,
Ol bakanda, milletleri titretdi.
Gojaman daglar kül boldy,
gadymy baýyrlar baş egdi.
Onuň ýollary ebedidir.
7 Kuşan çadyrlaryny muşakgat
astynda gördüm,
Midýan ýurdunyň çadyrlary
gorkudan titredi.
8 Ýa Reb, gazabyň derýalara
garşymydy?
Gaharyň çeşmelere garşymydy?
Atlaryňa, ýeňilmez söweş
arabalaryňa müner ýaly,
gazabyň deňizlere garşymydy?
9 Ýalaňaç ýaýyňy galgatdyň,
sagdagyňy okdan doldurdyň.
*Sela*
Ýer ýüzüni akar suwlar bilen
ýardyň.
10 Seni görüp, daglar titreşdi,
siller joşdy,
çuňluklar seslenip,
tolkunlar möwç urdy.

11 Uçuşýan oklaryň ýagtysyndan,
parlaýan naýzalaryň
ýalpyldysyndan,
Gün bilen Aý ýerlerinde durdy.
12 Ýer ýüzüne gazap bilen gadam
basdyň,
milletleri gahar bilen depelediň.
13 Sen Öz halkyňyň gutulyşy üçin,
seçip-saýlanyňy halas etmek
üçin geldiň,
pis nesilbaşyny ezdiň,
ony depesinden dabanyna çenli
soýduň. *Sela*
14 Esgerleri tüweleý dek bizi
dargatmaga gelende,
olaryň başyny baştutanyň
naýzalary bilen deşdiň.
Gizlenen pukaralary ýuwutmak
olara hoş ýakýar.
15 Atlaryň bilen deňizden geçip,
joşgunly suwlary köpükletdiň.

---

[a] **3:1** ***Şigýonot*** – munuň saz adalgasy bolmagy mümkin.

16 Eşidip, tutuş bedenim lerzana
geldi,
sesinden dodaklarym tibirdedi,
süňňüm eräp,
dyzlarym saňňyldady.
Emma bize hüjüm edýän halkyň
başyndan
injek betbagtlyk gününe
sabyrsyzlyk bilen garaşaryn.
17 Injir agajy güllemese-de,
üzüm agaçlary miwe
getirmese-de,
zeýtun agaçlary hasyl
bermese-de,
ekin meýdanlary hasyl
öndürmese-de,
dowar agyllary boş galyp,
ýataklar mal-garasyz bolsa-da,
18 men Rebde şatlanaryn,
Halasgärimde ýüregim joşar.
19 Beýik Hudaý
güýjüm-kuwwatymdyr,
aýaklarymy keýigiň aýaklary
dek edip,
Meni belentliklerde gezdirýär.

Horuň baştutanyna: kirişli saz
gurallary bilen.

# Sepanýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Sepanýa pygamber b. e. öň VII asyryň ikinji ýarymynda wagyz eden pygamberdir. Alymlaryň çaklamalaryna görä, ol Ýoşyýa patyşanyň b. e. öň 621-nji ýylda dini özgertmeleri girizmeziniň öň ýanynda wagyz edipdi (2Pat 22-nji bap).

Kitapda Rebbiň höküm güni we hopukdyryjy weýrançylyklar baradaky pygamberlikler beýan edilýär. Ýahudy halky butlara sežde edýändigi üçin Reb tarapyndan jezalandyrylar. Reb beýleki halkalary hem jezalandyrar. Iýerusalim hem höküm ediler. Emma muňa garamazdan, onda ýaşaýan pespäl we dogruçyl adamlar arkaly şäher gaýtadan dikeldiler.

### *Mazmuny*


Rebbiň höküm etjek güni ........ *1:1–2:3*
Ysraýylyň goňşularynyň höküm edilmegi ........ *2:4-15*
Iýerusalimiň geljegi ........ *3:1-20*


---

### 1-nji bap

1 Amonyň ogly Ýoşyýanyň Ýahudada patyşalyk sürýän döwründe Kuşynyň ogly, Gedalýanyň agtygy, Amarýanyň çowlugy, Hizikiýanyň ýuwlugy Sepanýa Rebbiň şu sözi aýan boldy.

***Rebbiň höküm güni gelýär***

2-3 «Ýer ýüzünden bar zady bütinleý
syryp-süpürjek.
Ynsanu-haýwany,
gökdäki guşlary,
deňizdäki balyklary süpürip
taşlajak.
Pisleri büdretjek,
ynsany ýer ýüzünden ýok etjek».
Muny Reb aýdýandyr.
4 «Ýahuda, hatda Iýerusalime garşy
el galdyraryn,
Bagal hudaýynyň gullaryny
gyraryn,
Butparaz ruhanylary ýok ederin.
5 Tamyň üçeginde asman
jisimlerine sežde edýänleri,
Rebbe sežde edip, Ondan ant
içýänleri,
Molek butundan ant içýänleri,
6 Rebden ýüz öwrenleri,
Rebbi agtarmaýanlary,
Ondan maslahat almaýanlary
bu ýerden ýok ederin».

7 Hökmürowan Rebbiň huzurynda
dym!
Çünki Rebbiň güni golaýdyr,

Reb gurbanlyk taýynlady,
çagyranlaryny päkläp
mukaddes etdi.
8 «Şol gurbanlyk güni
Men hökümdarlary, şazadalary,
ýat adatlara eýerýänleri
jezalandyraryn.
9 Şol gün galp hudaýlara sežde
edýänleri,
Öz hudaýlarynyň buthanasyny
zulum hem hileden
doldurýanlaryň baryny
jezalandyraryn».

10 Reb şeýle diýýär:
«Şol gün Balyk derwezesinden
ahy-nala,
şäheriň täze böleginden
dady-perýat,
baýyrlardan güňleç ses eşidiler.
11 Eý, bazaryň golaýynda
ýaşaýanlar, perýat ediň!
Ähli söwdagärleriňiz ýok ediler,
kümüş ölçeýänleriňiziň bary
gyrlar.
12 Şonda Men Iýerusalimi
çyra bilen agtaryp,
düýbüne çöken şerap löderesi
deýin çöküp,
içlerinden: „Reb ne ýagşylyk,
ne-de ýamanlyk eder“
diýip, tekepbirlik edýänleri
jezalandyraryn.
13 Mal-mülkleri olja bolar,
jaýlary haraba döner,
jaý salynsalar-da,
ýaşamazlar onuň içinde,
üzüm agaçlaryny oturdarlar,
emma olaryň şerabyndan
içmezler».

14 Golaýdyr Rebbiň höküm güni,
golaýdyr,
Ine, ýetip gelýändir ol.
Hasratlydyr Rebbiň şol güni,
batyr esger ajy perýat eder.
15 Şol gün – gazap güni,
betbagtçylyk, muşakgat güni,
weýrançylyk we harabalyk güni,
garaňkylyk we gam-gussa güni,
bulutly we tüm garaňkylyk güni
bolar.
16 Galalara we beýik diňlere hüjüm
edilip,
uruş surnaýy çalnyp, duýduryş
beriljek gündür ol.

17 Men ynsanlaryň başyna muşakgat
indererin.
Olar kör adam kimin ýörärler,
ganlary suw deýin döküler,
bedenleri ders kimin çüýrär,
çünki olar Rebbe garşy günä
etdiler.
18 Rebbiň gazaply gününde,
altyn-kümüşleri halas edip
bilmez olary.
Rebbiň gabanjaňlyk odunda
bütin dünýä ýanyp kül bolar,
çünki Reb ýer ýüzünde
ýaşaýanlaryň baryny
gyryp ýok eder.

## 2-nji bap

1 Toplan, eý, utançsyz millet!
2 Saman külkesi dek
sowrulmazyňdan öň,
Rebbiň gahar-gazaby üstüňize
inmezden öň,
Rebbiň gazaply güni gelmezden
öň toplan!
3 Rebbiň emrlerini berjaý edýän
ýurduň kiçigöwünlileri, Rebbi
agtaryň,
dogruçyllygy we pespälligi
agtaryň.

Belki, Rebbiň gazap gününde
gizlenip saklanarsyňyz.

### *Reb piliştlilere jeza berýär*

4 Gaza boşap galar,
Aşkelon haraba döner,
Aşdot günorta çaglary kowlar,
Ekron-da köki-damary bilen
sogrular.
5 Deňiz ýakasynda ýaşaýan
Keret halkynyň dat gününe!
Eý, Kengan, piliştliler ýurdy,
Reb seniň garşyňa şeýle
diýýär:
«Ýeke kişini-de galdyrman, seni
weýran ederin».
6 Deňiz ýakasyndaky ýurduňyz
çopan örülerine,
süri agyllaryna döner.
7 Ýahudanyň aman galanlary ýurdy
eýelärler,
olar örüde sürülerini otararlar,
agşamyna Aşkelon şäherinde
ýatarlar,
Hudaýy Reb olary ýatlap,
öňki abadançylyklaryny
gaýtaryp berer.

### *Reb Mowap bilen Ammona jeza berýär*

8 «Halkymy masgaralap,
olaryň ýurdunda men-
-menlik eden Mowabyň
kemsitmelerini,
Ammonlaryň sögünçlerini
eşitdim».
9 Munuň üçin Ysraýyl Hudaýy
Hökmürowan Reb
Öz barlygyndan ant içip, şeýle
diýýär:
«Mowap halkyny Sodom kimin,
Ammon halkyny Gomora kimin
gyraryn!
Bu ýurtlar tikenekli otlardan,
duzly çukurlardan dolup,
baky haraba öwrülerler.
Aman galan halkym Mowaby,
Ammony talar,
gutulan milletim ol ýurtlary
eýelär».
10 Olaryň tekepbirligi zerarly şeýle
jeza berler,
çünki olar Hökmürowan Rebbiň
halkyny kemsidip,
olara garşy men-menlik etdiler.
11 Reb olaryň ýüreklerini ýarar!
Ol dünýäniň ähli hudaýlaryny
ýok eder,
öz ýaşaýan ýurdunda her millet
Rebbe sežde eder.
12 Reb: «Eý, Efiopiýa halky,
senem Meniň gylyjymdan
ölersiň» diýýär.
13 Reb demirgazyga garşy el
galdyrar,
Aşury ýok eder,
Ninewäni harabalyga,
çöl deýin ýalazy meýdana öwrer.
14 Ninewe mal-garalaryň ýatagyna,
dürli wagşy haýwanlaryň
sürenine öwrüler.
Baýguşlar harabaçylykda mesgen
tutarlar,
penjirelerden uwlaşarlar,
bosagalaryň öňi weýran bolar,
kedr pürsleri duw-dagyn ediler.
15 Ine, bu zowky-sapada,
howpsuzlykda ýaşap:
«Ýeke men, menden başga hiç
kim ýok» diýen şäherdir.
Gör, ol nähili haraba bolup,
wagşy haýwanlaryň sürenine
öwrüldi.
Gapdalyndan geçýän her kes
ony masgaralap, ellerini
salgaýarlar.

## 3-nji bap

### *Iýerusalimiň geljegi*

1 Gozgalaňçy, haram,
zalym şäheriň dat gününe!
2 Ol söze gulak asmady,
öwüt almady,
Rebbe bil baglamady,
Hudaýyna ýakynlaşmady.
3 Içindäki hökümdarlary
arlaýan arslanlar ýalydyrlar.
Kazylary daňdana deňeç ýeke
süňk goýmaýan
aç möjekler kimindirler.
4 Pygamberleri biperwaý, biwepa
adamlardyr;
ruhanylary ybadathanany
harama çykardylar,
Kanuny harladylar.
5 Iýerusalimiň içinde bolan Reb
dogruçyldyr,
Ol hiç haçan adalatsyzlyk
etmez.
Her gün ir säher bilen
adalatly garaýar Ol Öz halkyna,
Emma pis kişi pisligini edip,
utanmany bilmeýär.
6 Reb şeýle diýýär:
«Gyrdym Men halklary,
diňlerini weýran etdim,
köçelerini harap etdim,
ondan ötüp-geçýän ýokdur.
Şäherleri harabalyga öwrüldi,
ýekeje ynsan-da galmady».
7 Men diýdim:
«Siz Menden gorkuň,
öwüt-ündew alyň!
Şonda mesgenleri ýok edilmez,
jezalarym başlaryndan inmez».
Emma olar öňküleri ýaly,
ähli işlerinde pislikden lezzet
aldylar.
8 Munuň üçin Reb şeýle diýýär:
«Siz Maňa garaşyň,
halklara hököm etjek günüme
çenli garaşyň.
Çünki Meniň kararym milletleri
toplap,
patyşalyklary bir ýere jemläp,
gaharymy, lowlaýan gazabymy
başlaryndan indermekdir.
Gabanjaň gazabymyň ody
bütin dünýäni ýakyp kül eder.

9 Men şonda hemmeleriň Maňa
ybadat edip,
agzybirlik bilen Maňa gulluk
ederleri ýaly,
milletlere päk dil bererin.
10 Dagynyk bolup, Maňa sygynan
halkym
Efiopiýa derýasynyň aňry
tarapyndan
Maňa sadaka getirer.
11 Garşyma eden ähli pis işleri
üçin,
şol gün halkym utandyrylmaz.
Çünki Men özüne buýsanyp,
men-menlik edýänleri
araňyzdan aýraryn.
Siz mukaddes dagymda
mundan beýläk tekepbirlik
etmersiňiz.
12 Iýerusalimde pespäl,
pukara adamlary aman
galdyraryn,
olar Maňa bil baglarlar.
13 Ysraýylyň aman galanlary,
nähaklyk etmezler,
ýalan sözlemezler,
agyzlaryndan hileli sözler
çykmaz.
Olar goýun kimin ýaşyl örülerde
ýatarlar,
olary hiç kim gorkuzyp bilmez».

### *Şatlyk aýdymy*

14 Heşelle kak, eý, Sion gyzy [a],
batly ses bilen gygyr, eý,
Ysraýyl!
Bütin kalbyňyz bilen joşup
şatlanyň!
Eý, Iýerusalim gyzy!
15 Reb siziň garşyňyza jezany
ýatyrdy,
duşmanlaryňyzy kowdy.
Ysraýyl patyşasy Reb siziň
araňyzda,
mundan beýläk betbagtçylykdan
gorkmarsyňyz.
16 Şol gün Iýerusalime şeýle diýler:
«Gorkma, eý, Sion,
elleriň gowşamasyn!
17 Hudaýyňyz Reb,
ýeňiş berýän Söweşiji siziň
araňyzda.
Reb size guwanyp şatlanar,
Ol söýgüsinde size täze durmuş
berer [b],
nagmalar bilen Onuň size
ýüregi joşar».
18 Reb diýýär: «Baýramçylyk
deregine hasrat çekdiňiz,
bu siziň üçin agyr we
utançlydyr,
Men indi olaryň soňuna nokat
goýaryn.
19 Şol gün golaýlaşýar,
Men size sütem edenleriň
baryna jeza bererin.
Agsaklary halas edip,
dagynyk ýesirleri bir ýere
toplaryn.
Olaryň utanjyny uly hormata
öwrüp,
olary bütin dünýäde at-abraýly
ederin.
20 Şol wagt Men sizi toplap, öz
ýurduňyza getirerin,
çünki Men gözüňiziň
alnynda
öňki abadançylygyňyzy
dikeldip,
dünýäniň bütin halklarynyň
arasynda
size at-abraý we şan-şöhrat
gazandyraryn».

---

[a] **3:14** ***Sion gyzy*** – bu Iýerusalim halky diýmekdir. Sözlüge seret.
[b] **3:17** ***Ol söýgüsinde size täze durmuş berer*** – käbir golýazmalarda *Ol söýgüsinde dymar.*

# Hagaý pygamberiň kitaby

## Giriş

*Hagaý pygamberiň kitaby* b. e. öň 520-nji ýylda Hudaý tarapyndan gelen gysga ylhamlaryň beýanydyr. Ysraýyl halky Babyl sürgünliginden dolanyp, eýýäm birnäçe ýyl bäri Iýerusalimde ýaşaýar. Emma duşmanlaryň weýran eden ybadathanasy heniz-de haraba bolup ýatyr. Hudaýdan gelen ylhamlar halky ybadathanany dikeltmäge ruhlandyrýar. Özgerip, özüni päklän halka Reb gelejekde abadanlygy we parahatlygy wada berýär.

***Mazmuny***


Ybadathanany täzeden gurmaga çagyryş ........................................... *1:1-15*
Teselli we umyt baradaky habar.........................................................*2:1-23*


---

### 1-nji bap

***Reb halky ybadathanany täzeden gurmaga çagyrýar***

1 Darýuş patyşanyň şalygynyň ikinji
ýylynyň altynjy aýynyň birinji güni Hagaý pygamberiň üsti bilen Ýahudanyň häkimi Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyla we Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwa[a] Rebbiň şu sözi aýan boldy.
2 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Bu halk Rebbiň öýüni täzeden gurmagyň wagty entek gelenok diýýär». 3 Onsoň
Hagaý pygamberiň üsti bilen Rebbiň şu sözi aýan boldy: 4 «Bu öý haraba bolup ýatyrka, özüňiziň kaşaň jaýlarda ýaşamagyňyzyň wagtymy? 5 Şonuň üçin indi
Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Öz ýaşan ýyllaryňyza ser salyp pikir ediň.
6 Siz köp ekip, az hasyl alýarsyňyz, iýip doýmaýarsyňyz, içip ganmaýarsyňyz, geýinýärsiňiz, ýöne ýylynmaýarsyňyz, gazanjyňyz düýbi deşik pul torba düşýär“». 7 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Öz ýaşan ýyllaryňyza ser salyp pikir ediň. 8 Daglyga gidiň-de, agaç getiriň we Meniň öýümi guruň. Şonda Men hoşal bolaryn, şöhratlanaryn, muny Reb diýýär. 9 Siz köp hasyla garaşýardyňyz, ýöne ol hasyl az bolup çykdy. Ony öýe getireniňizde, Men ony ýele sowurdym. Näme üçin? Meniň öýümiň haraba öwrülip ýatany üçin! Men muny siziň ähliňiziň diňe öz öýleriňiz bilen gümradygyňyz üçin şeýle etdim. Muny Men – Hökmürowan Reb aýdýandyryn. 10 Şonuň üçin-de asman ygaly, ýer

---

[a] **1:1** ***Ýahudanyň häkimi Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyla we Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwa*** – seret: Ezr 3:2; 5:1.

hasyly sizden gysganýar. 11Şeýle hem
Men ýurda we onuň daglaryna, galla
meýdanlaryna, üzümçiliklerine, zeýtun
baglaryna, ýerden önýän ähli önümlere,
ynsandyr haýwanlaryň üstüne, çekýän
ähli zähmetiňiziň üstüne gurakçylyk
jezasyny inderdim».

12Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyl bilen
Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwa
we halkyň aman galanlarynyň ähli-
si Rebden gorkup, özleriniň Hudaýy
Rebbiň sözüne we Hagaý pygamberiň
aýdanlaryna gulak asdylar. Çünki Ha-
gaý pygamberi Beýik Hudaý iberipdi.
13Onsoň Rebbiň wekili Hagaý Rebbiň
şu habaryny halka ýetirip, şeýle diýdi:
«Reb: „Men siziň bilendirin“ diýýär. Mu-
ny Reb aýdýandyr». 14Reb Ýahudanyň
häkimi Şeýaltyýeliň ogly Zerubabylyň,
Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşu-
wanyň we halkyň aman galanlarynyň
ählisiniň kalbyny oýardy. Onsoň olar
gelip, özleriniň Hudaýy Hökmürowan
Rebbiň öýüni gurmaga başladylar. 15Bu
waka patyşa Darýuşyň şalygynyň ikinji
ýylynyň altynjy aýynyň ýigrimi dördüne
bolup geçdi.

## 2-nji bap

### *Ybadathananyň şöhraty*

1Bu ýylyň ýedinji aýynyň ýigrimi biri
güni Hagaý pygamberiň üsti bilen Reb-
biň şu sözi aýan boldy: 2«Indi Ýahudanyň
häkimi Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyla,
Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwa
we halkyň aman galanlarynyň ähli-
sine ýüzlenip, şeýle diý: 3„Araňyzda
bu öýüň öňki şöhratyny görenlerden
kim bar? Indi ol size nähili görünýär?
Siziň nazaryňyzda ol hiç zatça görün-
ýän-ä däldir? 4Eý, Zerubabyl, ruhdan
düşme, muny Men – Reb aýdýandyryn.
Eý, Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýe-
şuwa, ruhdan düşme! Eý, ýurduň ähli
halky, ruhdan düşme. Muny Men – Reb
aýdýandyryn. Işläň, çünki Men siziň
bilendirin, muny Men – Hökmürowan
Reb aýdýandyryn. 5Müsürden çyka-
nyňyzda, size söz berşim ýaly, Ruhum
araňyzdadyr, gorkmaň!“» 6Çünki Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär: «Men az
salymdan ýene bir gezek gögi we ýeri,
deňzi we gury ýeri sarsdyraryn. 7Men
ähli milletleri-de sarsdyraryn, şonda ähli
milletleriň hazynalary şu ýere geler we
Men bu öýi şan-şöhratdan dolduraryn.
Muny diýýän Men – Hökmürowan Reb-
dir. 8Kümüş-de, altyn-da Meniňkidir.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
9Men ýene: „Bu öýüň soňky şöhraty
onuň öňki şöhratyndan hem has belent
bolar“ diýýärin. Bu ýere abadançylyk
bererin. Muny Men – Hökmürowan
Reb aýdýandyryn».

### *Pygamberiň ruhanylara beren görkezmesi*

10Darýuş patyşanyň şalygynyň ikin-
ji ýylynyň dokuzynjy aýynyň ýigrimi
dördi güni Hagaý pygambere Rebbiň şu
sözi aýan boldy: 11«Hökmürowan Reb
şeýle diýýär: „Ruhanylardan kanun ha-
kynda sora. 12Eger bir adam Rebbe bagyş
edilen eti etegine salyp äkidende, onuň
etegi çörege, çorba, şeraba, ýaga ýa-da
başga bir iýmite galtaşsa, şolar mukad-
des bolarmy?“». Ruhanylar bu soraga:
«Ýok» diýip jogap berdiler. 13Onsoň
Hagaý: «Eger ölä galtaşyp, haram bolan
adam bu zatlardan birine elini degirse,
şol zat murdar bolarmy?» diýip sorady.
Ruhanylar muňa: «Hawa, ol murdar
bolar» diýip jogap gaýtardylar. 14Onsoň
Hagaý şeýle diýdi: «Reb: „Bu halk, bu
millet hem Meniň nazarymda şeýledir“

diýýär. „Olaryň edýän ähli işleri-de
şeýledir, şonuň üçin olaryň hödür edýän
zatlarynyň hemmesi murdardyr. 15 Indi
şu günden beýläk öz ýagdaýlaryňyz hak-
da pikir ediň. Rebbiň ybadathanasynda
daş üstüne daş goýulmazdan öň 16 nähili
ýaşapdyňyz?! Biri ýigrimi batmanlyk
harmany ýygnamaga gelende, ol on
batman çykardy. Ol şeraply çelekden
elli küýze şerap aljak bolanda, diňe
ýigrimi küýze çykardy. 17 Men el zähme-
tiňiz bilen öndürýän ähli önümleriňiziň
üstünden epgek öwüsdirip, heň we doly
bilen harapladym. Emma siz şonda-da
Maňa tarap öwrülmediňiz. Muny Reb
aýdýandyr. 18 Şu günden, ýagny doku-
zynjy aýyň ýigrimi dördünden – Rebbiň
ybadathanasynyň düýbi tutulan günün-
den beýläk öz ýagdaýlaryňyz hakda
mazaly oýlanyň. 19 Ammarda tohum
galdymy? Galmady. Üzüm, injir, nar
we zeýtun agaçlary entek hem hasyl
berýärmi? Bermeýär. Emma Men size
şu günden beýläk bereket ýagdyraryn“».

### *Reb Zerubabyla wada berýär*

20 Şol gün – aýyň ýigrimi dördi güni
Hagaý pygambere ikinji gezek Reb-
biň şu sözi aýan boldy: 21 «Ýahudanyň
häkimi Zerubabyla Meniň Ýeri we
Gögi titretjekdigimi aýt. 22 Patyşalaryň
tagtlaryny agdararyn, Men milletleriň
patyşalyklarynyň güýjüni ýok ederin.
Söweş arabalarydyr olaryň üstündäkileri
agdararyn, atlardyr olaryň çapyksuwar-
laryny ýykaryn, her kim öz ýoldaşynyň
gylyjyndan heläk bolar». 23 Hökmürowan
Reb ýene şeýle diýýär: «Eý, gulum, Şe-
ýaltyýeliň ogly Zerubabyl, şol gün Men
seni getirip, möhür ýüzügim deý ederin,
çünki Men seni saýladym. Muny Men –
Hökmürowan Reb aýdýandyryn».

# Zakarýa pygamberiň kitaby

## Giriş

*Zakarýa pygamberiň kitaby* iki bölümden ybarat. Onuň birinji bölüminde Zakarýa pygamberiň b. e. öň 520 – 518-nji ýyllary aralygynda gören görnüşleri beýan edilýär. Pygamber Iýerusalimiň dikeldilmegi, ybadathananyň gaýtadan bina edilmegi, Hudaý halkynyň günälerden päklenmegi, seçip-saýlanan Mesihiň geljekdigi barada görnüşleri görýär (1 – 8-nji baplar).

Kitabyň ikinji bölüminde umyt bilen garaşylýan Halasgär we iň soňky höküm edilme baradaky görnüşler beýan edilýär (9 – 14-nji baplar).

Şeýle-de, kitapda ahyrzaman baradaky pygamberlikler beýan edilýär. Bu pygamberlikler özboluşlydyr, sebäbi olar islendik döwrüň okyjysyna örän ýakyn, ýagny tizara berjaý boljak pygamberlik ýaly görünýär.

***Mazmuny***

Duýduryş we umyt baradaky görnüşler.......................................... *1:1–8:23*
Ysraýylyň duşmanlary jezalandyrylýar................................................ *9:1-8*
Gelejekki abadançylyk we parahatlyk.......................................... *9:9–14:21*

---

### 1-nji bap

***Reb halkyny Özüne öwrülmäge çagyrýar***

1 Darýuşyň patyşalygynyň ikinji ýy-
lynyň sekizinji aýynda Ydonyň agtygy,
Berekýanyň ogly Zakarýa pygamberiň
üsti bilen Rebbiň şu sözi aýan boldy:
2 «Men – Rebbiň siziň ata-babalaryňy-
za gaty gahary geldi. 3 Şonuň üçin hem
olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: „Maňa tarap öwrülsinler. Şonda
Menem size tarap öwrülerin. Muny
Men – Hökmürowan Reb aýdýandyryn.
4 Ata-babalaryňyz ýaly bolmaň. Öňki py-
gamberler olara ýüzlenip, şuny jar etdiler:
Hökmürowan Reb ýaman ýollaryňyzdan,
pis işleriňizden el çekiň diýýär. Ýöne
olar muny diňlemediler, Maňa gulak
asmadylar. Muny Men – Reb aýdýandy-
ryn. 5 Hany ata-babalaryňyz, olar nirede?
Pygamberler, näme, baky geldilermi?
6 Emma gullarym bolan pygamberlere
buýran sözlerimdir beren duýduryşlary-
my, näme, ata-babalaryňyz ýerine ýetiren
däldir öýdýäňizmi? Olar toba edip, Hök-
mürowan Reb öz tutan ýolumyza hem
etmişlerimize görä bize näme etmegi
niýetlän bolsa, şony hem etdi diýdiler“».

***Ilkinji alamat: atly adam***

7 Darýuşyň patyşalygynyň ikinji ýy-
lynyň on birinji aýynyň – Şebat aýynyň

ýigrimi birinji güni[a] Ydonyň agtygy
Berekýanyň ogly bolan men – Zakarýa
pygambere Rebbiň şu sözi aýan bol-
dy. 8 Agşam jülgedäki mirt agaçlaryň
arasynda duran bir dor atly adamy gör-
düm. Onuň ýeňsesinde dor, gyr hem-de
ak atlar bardy. 9 Men: «Jenabym, bular
näme?» diýip soradym. Meniň bilen
gepleşip duran perişde maňa: «Olaryň
nämedigini men saňa görkezerin» diý-
di. 10 Onsoň mirt agaçlaryň arasynda
duran: «Olar Rebbiň dünýäni aýlanyp
çykmak üçin iberenleri» diýip jogap
berdi. 11 Soňra olar Rebbiň mirt agaç-
larynyň arasynda duran perişdesine:
«Biz dünýäni aýlandyk, hawa, tutuş
dünýä parahat eken» diýdiler. 12 Rebbiň
perişdesi: «Eý, Hökmürowan Reb, Sen
ýetmiş ýyllap Iýerusalim bilen Ýahuda
gahar etdiň, ýene-de näçe wagtlap olaryň
şäherlerinden Öz rähmetiňi gaýgyrjak?»
diýdi. 13 Soňra Reb meniň bilen gep-
leşen perişdä mähirli hem köşeşdiriji
sözler bilen jogap berdi. 14 Meniň bilen
gepleşen perişde maňa şeýle diýdi: «Şu
habary jar et we Hökmürowan Reb şeý-
le diýýär diý: „Men Iýerusalimi, hawa,
Siony juda gabanýaryn. 15 Men Öz hal-
kymy diňe ýeňil jezalandyrmakçydym,
emma asudalykda biperwaý oturan bu
halklar olaryň başyna düşen külpeti
has hem artdyrdylar. Indi bu halklara
Meniň gaty gaharym gelýär“». 16 Şoňa
görä, Reb şeýle diýýär: «Men duýgudaş-
lyk bilen Iýerusalime tarap öwrülerin.
Meniň ybadathanam şol ýerde gurlar
we Iýerusalimi dikeltmek üçin ölçeg
ýüpi çekiler. Muny Men – Hökmüro-
wan Reb aýdýandyryn». 17 Şuny-da jar
edip, Hökmürowan Reb şeýle diýýär
diý: «Meniň şäherlerim ýene bolelinlige
ýeter. Men-Reb Siony ýene köşeşdirerin
we Iýerusalimi ýene saýlaryn».

### *Ikinji alamat: şahlar we ussalar*

18 Soňra men seredip durkam, dört
sany şah gördüm. 19 Özüm bilen geple-
şen perişdeden: «Bular näme?» diýip
soradym. Ol: «Bular Ýahudany, Ysraýyly
hem-de Iýerusalimi dargadan şahlar»
diýip jogap berdi.
20 Soňra Reb maňa dört ussany görkez-
di. 21 Men: «Olar näme üçin geldiler?»
diýip soradym. Reb maňa: «Bu şahlar
ýahuda halkynyň içinden ýekejesi-de
baş galdyrmaz ýaly, olary dargatdylar.
Ýöne bu ussalar şahlara howp salyp, ola-
ry döwmäge geldiler. Sebäbi bu şahlar
Ýahudanyň garşysyna hüjüm edip, onuň
halkyny dargatdylar» diýip jogap berdi.

## 2-nji bap

### *Üçünji alamat: ölçeg ýüpi*

1 Soňra men seredip durkam, eli ölçeg
ýüpli bir adamy gördüm. 2 Men ondan:
«Nirä barýarsyň?» diýip soradym. Ol
maňa: «Iýerusalimi ölçäp, onuň ininiň
hem-de uzynlygynyň näçedigini bilmä-
ge barýaryn» diýip jogap berdi. 3 Meniň
bilen gepleşen perişde menden daşlaşan-
da, başga bir perişde ony garşylamaga
çykdy. 4 Ol: «Bar, ylga-da şol ýigide
aýt: „Ol ýerde ýerleşjek san-sajaksyz
adamlardyr mal-garadan ýaňa Iýeru-
salim diwarsyz bir şäher bolar. 5 Men
onuň daşynyň otly diwary, içiniň şöh-
raty bolaryn. Muny Reb diýýär“» diýdi.
6 Reb şeýle diýýär: «Haýdaň, haýdaň!
Demirgazyk ýurdundan gaçyň. Çünki
Men sizi gögüň dört tarapyna öwüsýän
ýel kimin dargatdym, muny Men – Reb

[a] **1:7** ***Şebat aýynyň ýigrimi birinji güni*** – bu 15-nji fewraldyr.

aýdýandyryn. 7Haýda, Babylda ýaşaýan
Sion [a], gaç!» 8Çünki Hökmürowan Reb
meni Öz şöhraty üçin iberdi. Sizi talan
halklar babatda Ol şeýle diýýär: «Siona
degen hut Meniň görejime degýändir.
9Indi Men olaryň garşysyna el göterjek;
olary öz gullary talaňa salar». Şonda
ýanyňyza meni Hökmürowan Rebbiň
iberendigini bilersiňiz. 10«Aýdym aýt,
şatlan, eý, Sion gyz [b]! Men gelip, si-
ziň araňyzda mekan tutjak. Muny Reb
aýdýandyr. 11Şol gün köp halklar Men-
Rebbe bil baglarlar we Meniň halkym
bolarlar. Men siziň araňyzda mekan
tutaryn». Şonda ýanyňyza meni Hök-
mürowan Rebbiň iberendigini bilersiňiz.
12Reb mukaddes toprakda Öz paýy hök-
münde Ýahudany mülk edip alar we ýene
Iýerusalimi saýlar.

13Ähli janly-jandarlar, Rebbiň öňün-
de ümsüm boluň; Ol turup, mukaddes
mekanyndan çykyp gelýär.

## 3-nji bap

### *Dördünji alamat: Ýeşuwa we şeýtan*

1Men Rebbiň perişdesiniň öňünde
duran baş ruhany Ýeşuwany [ç] hem-de
ony günäkärlemek üçin sagynda duran
şeýtany gördüm. 2Reb şeýtana şeýle
diýdi: «Reb saňa käýeýär, eý, şeýtan,
Iýerusalimi saýlan Reb saňa käýeýär!
Bu adam otdan çykarylan kesindi däl-
mi näme?» 3Perişdäniň öňünde duran
Ýeşuwanyň egnindäki geýimi kirlidi.
4Perişde öňünde duranlara: «Onuň kirli
geýimlerini çykaryň» diýdi. Ol Ýeşuwa
ýüzlenip: «Seret, günäňi aýryp taşladym,
men saňa toý lybasyny geýdirýän» diýdi.
5Onsoň men – Zakarýa: «Ýeşuwanyň
başyna tämiz selle orasynlar» diýdim.
Olar onuň başyna tämiz selle oradylar,
ony geýindirdiler. Rebbiň perişdesi-de
onuň ýanynda durdy.

6Rebbiň perişdesi Ýeşuwa şeýle güwä
geçdi: 7«Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
„Eger Meniň ýolumdan ýöräp, tabşy-
ryklarymy ýerine ýetirseň, sen Meniň
ybadathanamy dolandyrarsyň, howlu-
laryma gözegçilik edersiň. Men saňa
şu ýerde duranlaryň arasynda gezmek
hukugyny bererin. 8Indi gulak salyň, eý,
baş ruhany Ýeşuwa, sen we öň ýanyňda
oturan ruhanylar – siziň hemmäňiz gel-
jekde boljak işleriň alamatysyňyz. Men
Şaha diýen gulumy orta çykarjakdyryn.
9Ine, Ýeşuwanyň öňünde goýan ýedi
gözli daşym. Men onuň ýüzüne oýup
hat ýazjak. Men bir günüň içinde şu
ýurduň günäsini aýryp taşlaryn. Mu-
ny Hökmürowan Reb aýdýandyr. 10Şol
gün siz biri-biriňizi üzüm hem-de injir
agaçlaryňyzyň aşagyna oturmaga ça-
gyrarsyňyz. Muny Hökmürowan Reb
aýdýandyr“».

## 4-nji bap

### *Bäşinji alamat: çyradan we zeýtun agaçlary*

1Meniň bilen gepleşen perişde ýene
geldi-de, meni ukudan oýaran ýaly edip
turuzdy. 2Ol menden: «Näme görýäň?»
diýip sorady. Men: «Guýma altyndan
edilen çyradany görýärin; onuň depe-
sinde ýag gaby, üstünde ýedi çyra, ýedi

---

[a] **2:7** ***Sion*** – bu Ysraýyl halky diýmekdir. Sözlüge seret.
[b] **2:10** ***Sion gyz*** – bu Ysraýyl halky diýmekdir. Sözlüge seret.
[ç] **3:1** ***Ýeşuwa*** – seret: Ezr 3:2; 5:2. Bu at *halasgär* diýmegi aňladýar. Sözlükde «halasgär» sözüne seret.

çyranyň her biriniň ýedi turbajygy bar.
[3]Olaryň ýanynda iki sany zeýtun agajy
bar. Olaryň biri ýag gabynyň sag tarapyn-
da, beýlekisi çep tarapynda» diýip jogap
berdim. [4]Men perişdeden: «Jenabym,
bular näme?» diýip soradym. [5]Meniň
bilen gepleşen perişde: «Bularyň näme-
digini bileňokmy?» diýip sorady. Men:
«Ýok, jenabym» diýdim. [6]Ol maňa şeýle
diýdi: «Bu Rebbiň Zerubabyla: „Güýç
we zorluk bilen däl-de, diňe Meniň Ru-
hum bilen iş bitirersiň“ diýen sözi. Muny
Hökmürowan Reb diýýär. [7]Sen kimmişiň,
eý, beýik dag? Sen Zerubabylyň öňünde
tep-tekiz bolarsyň. Ol ybadathananyň iň
soňky daşyny goýýarka, halk „Ne gözel,
ne ajap!“ diýip gygyrar».

[8]Şeýle hem maňa Rebbiň şu sözi
aýan boldy: [9]«Şu ybadathananyň bin-
ýadyny Zerubabylyň elleri tutdy. Ony
ahyryna çenli alyp gitjek hem şonuň
elleridir». Şonda meni siziň ýanyňyza
Hökmürowan Rebbiň iberendigini, sen –
Zerubabyl bilersiň. [10]«Ýeňil işler eden
gününi ähmiýetsiz hasaplanlar Zeruba-
bylyň elindäki şuguly görüp şatlanarlar.

Bu ýedi çyra Rebbiň gözüdir, olar
dünýäni aýlanyp ýörendir». [11]Men ol
perişdeden: «Onda çyradanyň sagyn-
daky hem çepindäki iki düýp zeýtun
agajy nämäni aňladýar?» diýip soradym.
[12]Ondan ýene-de: «Iki altyn turbajygyň
üsti bilen altyn reňkli ýag çykaryp du-
ran zeýtun agajynyň iki şahasy nämäni
aňladýar?» diýip soradym. [13]Ol menden:
«Bularyň nämedigini bileňokmy?» diýip
sorady. Men: «Ýok, jenabym» diýdim.
[14]Ol: «Bular başyna ýag çalnyp saýlanyp,
bütin ýer ýüzüniň Taňrysyna gulluk ed-
ýän iki kişidir» diýip jogap berdi.

## 5-nji bap

### *Altynjy alamat: uçýan kagyz*

[1]Onsoň seredip durkam, uçup ýören bir
ýazgyly kagyza gözüm düşdi. [2]Perişde
maňa: «Näme görýäň?» diýdi. Men: «Bir
kagyz-a uçup ýör; onuň boýy ýigrimi
tirsek, ini on tirsek» diýip jogap ber-
dim. [3]Ol maňa şeýle diýdi: «Bu bütin
dünýä siňýän näletdir. Bu kagyzyň bir
tarapynda ýazylyşy ýaly, ogurlyk eden
sogrulyp taşlanjakdyr, beýleki tarapyn-
da ýazylyşy ýaly bolsa, ýalandan ant
içen kowlup çykaryljakdyr. [4]Men ony
ýolladym. Ol ogrynyň hem-de Meniň
adymdan ýalandan ant içýäniň öýüne
girer we şol öýde-de galar; agaç-tag-
tasydyr daşlary bilen bile öýi ýuwudar.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr».

### *Ýedinji alamat: içi aýally küýze*

[5]Soňra meniň bilen gepleşen perişde
öňüme geçdi-de: «Ýokaryňa seret, şol
gelýän zadyň nämedigini gör» diýdi.
[6]Men: «Ol näme?» diýip soradym. Ol
maňa: «Ol gelýän küýzedir. Bu tutuş
ýurduň etmişidir[a]» diýdi. [7]Soňra gurşun
gapak ýokary göterildi: küýzäniň içinde
bir aýal otyrdy. [8]Perişde: «Bu şerdir»
diýdi. Aýaly küýzäniň içine itekläp goý-
berdi-de, gurşun gapagy mäkäm ýerine
ýapdy. [9]Soňra men seredip durkam, iki
aýalyň gelýändigini gördüm. Olar şema-
la ganatlaryny ýaýyp, uçup gelýärdiler.
Olaryň ganaty leglegiň ganaty ýalydy.
Olar ýer bilen gögüň aralygynda küýzä-
ni göterip äkitdiler. [10]Men perişdeden:
«Olar küýzäni nirä alyp barýarlar?» diýip
soradym. [11]Ol maňa: «Şingar ýurduna;

[a] **5:6** ***Bu tutuş ýurduň etmişidir*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Ol bütin dünýä boýunça şeýledir* diýip duş gelýär.

şol ýerde oňa öý gurjaklar. Öý taýýar
bolanda, olar küýzäni şonuň içinde öz
ýerinde goýarlar» diýdi.

## 6-njy bap

### *Sekizinji alamat: dört söweş arabasy*

1 Men ýene-de seredip durkam, iki
dagyň arasyndan çykyp gelýän dört
söweş arabasyny gördüm. Ol daglar bü-
rünçdendi. 2 Arabalaryň birine dor atlar,
beýlekisine gara atlar, 3 üçünji birine ak
atlar, soňkusyna bolsa güýçli gyr atlar
goşulandy. 4 Meniň bilen gepleşen pe-
rişdeden: «Eý, jenabym, bular näme?»
diýip soradym. 5 Perişde: «Bular bütin
ýer ýüzüniň Taňrysynyň huzuryndan
çykýan gögüň dört ruhudyr. 6 Gara atlara
goşulan araba ýurduň demirgazygyna,
ak atlara goşulan araba olaryň yzyndan
gidýär, gyr atlara goşulan araba bolsa
günorta gidýär» diýdi. 7 Gyr atlar gidip,
ýer ýüzüni aýlanmak isleýärdiler. Periş-
de: «Baryň, ýer ýüzüni aýlanyň» diýdi.
Olar ýer ýüzüne aýlandylar. 8 Soňra ol
meni çagyryp: «Seret, demirgazyk ýur-
da giden atlar ol ýerde Meniň gaharymy
köşeşdirdiler» diýdi.

### *Ýeşuwanyň başyna täç geýdirilýär*

9 Maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
10 «Şu gün Sepanýanyň ogly Ýoşyýa-
nyň öýüne git-de, Babyl sürgüninden
gaýdyp gelen Heldaýdan, Tobyýadan
hem-de Ýedaýadan altyn-kümüş ýygna.
11 Ýygnan altyn-kümşüňden bir täç ýasap,
ony Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýe-
şuwanyň başyna geýdir. 12 Hökmürowan
Reb şuny jar edýär diý: „Ine, Şaha diýen
adam. Ol öz ornundan şahalar çykarar
we Rebbe ybadathana gurar. 13 Hawa,
Rebbe ybadathana gurjak şoldur. Ol şa-
lyk şöhratyny gazanar, tagtynda oturyp
şalyk sürer. Onuň tagtynyň ýanynda
ruhany bolar we ol ikisiniň arasynda
ylalaşykly maslahat bolar. 14 Bu täç-
ler Heldaýyň, Tobyýanyň, Ýedaýanyň
hatyrasyna hem-de Sepanýanyň ogly
Ýoşyýanyň sahylygynyň hatyrasyna
Rebbiň ybadathanasynda goýlar.
15 Uzakda ýaşaýanlar hem gelip, Rebbiň
ybadathanasynyň gurluşygyna kömek
ederler“». Şeýlelikde, siziň ýanyňyza
meni Hökmürowan Rebbiň iberendigini
bilersiňiz. Eger siz Hudaýyňyz Rebbiň
sözüni berk tutsaňyz, gurluşyk babatda
bu aýdylanlar amala aşar.

## 7-nji bap

### *Reb galp agyz beklemäni ýazgarýar*

1 Darýuşyň şalygynyň dördünji ýyly-
nyň dokuzynjy aýynyň, ýagny Kislew
aýynyň dördüne[a] Zakarýa Rebbiň şu
sözi aýan boldy. 2 Beýteliň halky bolsa
Rebbe ýalbarmak üçin, Sareseri we Re-
gemmelegi adamlary bilen bile iberipdi.
3 Şeýle hem olar Hökmürowan Rebbiň
ybadathanasyndaky ruhanylarydyr py-
gamberlerinden: «Ýyllar boýy edişimiz
ýaly, bäşinji aýda[b] agyz bekläp agla-
lymy?» diýip soramalydylar. 4 Şonda
Hökmürowan Reb maňa şeýle diýdi:
5 «Ýurduň ähli halkyna hem-de ruha-
nylaryna aýt: „Ýetmiş ýyllap bäşinji
hem ýedinji aýlarda[ç] ýas tutup, agyz
bekläniňizde, siz muny Meniň üçin edip-
midiňiz? 6 Iýip-içeniňizde, diňe özüňiz

[a] **7:1** ***Kislew aýynyň dördüne*** – bu 7-nji dekabrdyr.
[b] **7:3** ***Bäşinji aý*** – seret: 2Pat 25:8-9.
[ç] **7:5** ***Ýedinji aý*** – seret: Ýrm 41:1-2.

üçin iýip-içmeýärsiňizmi? 7 Rebbiň öňki
pygamberleriň üsti bilen aýdan sözleri-
de şular dälmidi? Şol wagtlar Iýerusalim
we onuň daş-töweregindäki galalar he-
niz ilatlydy, parahatdy. Negep çöli bilen
günbatar baýyrlyk-da ilatlydy“».
8 Zakarýa Rebbiň şu sözi aýan boldy:
9 «Hökmürowan Reb şeýle diýdi: „Ada-
latly höküm çykaryň, biri-biriňizi söýüň
we rehim-şepagatly boluň; 10 dul aýala,
ýetime, gelmişege ýa-da garyp-gasara
sütem etmäň; biri-biriňize garşy pislik
etmäň. 11 Ýöne Meniň halkym boýnuýo-
gynlyk edip, bu sözlere gulak asmadylar,
eşitmejek bolup gulaklaryny dykdylar.
12 Hökmürowan Rebbiň Öz ruhy arkaly
öňki pygamberleriň üsti bilen iberen
kanundyr nesihatlaryny eşitmez ýaly,
olar doňýürek boldular. Şol sebäpden
Hökmürowan Rebbiň olara gaty gahary
geldi. 13 Şeýlelikde, Men çagyranymda,
olar gulak asmadylar, olar çagyranda
Men hem olara jogap bermedim. Muny
Hökmürowan Reb diýýär. 14 Şeýdip, Men
olary tanamaýan-bilmeýän milletleriň
arasyna harasat bilen dargatdym. Ola-
ryň taşlap giden ýurduny harabaçylyga
öwürdim. Ol ýerde janly-jemende gal-
mady; ne gözel ýurt tozap galdy“».

## 8-nji bap

### *Reb Iýerusalimi dikeltmäge söz berýär*

1 Hökmürowan Rebbiň maňa şu sözi
aýan boldy: 2 «Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Men Siony juda gabanýaryn,
ony gahar-gazap bilen gabanýaryn“».
3 Reb şeýle diýýär: «Men Siona tarap
öwrülerin we Iýerusalimde mekan tu-
taryn. Iýerusalim „Wepaly şäher“ diýlip
atlandyrylar. Hökmürowan Rebbiň dagy
„Mukaddes dag“ diýlip atlandyrylar».
4 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Elleri
hasaly gojalardyr kempirler ýene-de Iýe-
rusalimiň köçelerinde oturarlar. 5 Şäheriň
köçeleri oýnap ýören oglan-gyzlardan
dolar». 6 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Şol günlerde halkyň aman galanlarynyň
gözüne bu mümkin däl ýaly görünse,
Maňa-da şeýle görünmelimi? Muny
Hökmürowan Reb – Men aýdýandyryn».
7 Hökmürowan Reb: «Men Öz halkymy
gündogar hem günbatar ýurtlaryndan
halas ederin. 8 Men olary ýene Iýerusa-
lime ýaşamaga getirerin. Olar Meniň
halkym bolar, Men olaryň wepaly hem
adalatly Hudaýy bolaryn» diýýär.
9 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Şol
günlerde Hökmürowan Rebbiň yba-
dathanasynyň düýbüniň tutulmagyna
gatnaşan pygamberlerden şu sözleri
eşidenleriňiziň gollary kuwwatly bol-
sun! 10 Şol günlerden öň ynsan üçinem,
haýwan üçinem paç alynmazdy, gelýän-
gidýänem üçin duşmandan ýaňa rahatlyk
ýokdy, sebäbi Men adamlary biri-biriniň
garşysyna öjükdiripdim. 11 Emma indi
Men bu halkyň aman galan bölegine
beýle etmerin. Muny Hökmürowan Reb
aýdýandyr. 12 Tohum parahatlykda sepi-
ler. Üzüm agajy miwe berer, toprak öz
hasylyny eçiler, asman ýagmyryny ýag-
dyrar. Men bularyň hemmesini halkyň
aman galan bölegine mülk hökmünde
berjek. 13 Eý, ýahudalar hem ysraýyllar,
siz halklar arasynda nälete öwrüldiňiz.
Indi Men sizi halas ederin, siz ýalka-
nyş bolarsyňyz. Gorkmaň, gollaryňyz
kuwwatly bolsun!»
14 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Ata-babalaryňyzyň gaharymy geti-
rendikleri üçin, Men olaryň başyna
betbagtçylyk getirmegi ýüregime düw-
düm we pikirimi üýtgetmändim. Muny
Men – Hökmürowan Reb aýdýandyryn.

[15]Emma Men şu günlerde Iýerusalime
hem-de Ýahuda ýene ýagşylyk etmegi
ýüregime düwdüm. Gorkmaň! [16]Siziň
etmeli işleriňiz, ine, şulardyr: biri-bi-
riňize diňe hakykaty aýdyň, kazyýetde
adalatly hem parahatçylyk döredýän
höküm çykaryň. [17]Biri-biriňize garşy
pislik etmäň, ýalan ýere ant içmekden
gorkuň; bularyň bary Meniň ýigrenýän
zatlarymdyr. Muny Reb aýdýandyr».

[18]Hökmürowan Rebbiň maňa şu sözi
aýan boldy: [19]«Hökmürowan Reb şeýle
diýýär: „Dördünji, bäşinji, ýedinji hem-
-de onunjy aýlardaky[a] agyz bekleýän
günleriňiz ýahuda halky üçin şatlyk-şa-
galaň, dabaraly baýramçylyklar bolar.
Şoňa görä hakykaty hem parahatlygy
söýüň“».

[20]Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Ýe-
ne-de halklar we köp şäherleriň ilaty
geler. [21]Bir şäherde ýaşaýanlar başga
bir şähere gidip, şeýle diýerler: „Ge-
liň, Rebbe ýalbaralyň, Hökmürowan
Rebbiň gözlegine çykalyň. Ine, men-ä
ýola düşdüm“. [22]Ençeme halklar, güýçli
milletler Hökmürowan Rebbi gözlemäge
we Rebbe ýalbarmaga Iýerusalime geler-
ler». [23]Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Şol günlerde dürli dillerde gepleýän
ähli milletlerden on adam ýahudylaryň
eteginden tutup: „Özüň bilen gitmäge
bize ygtyýar et, sebäbi Hudaýyň seniň
bilendigini eşitdik“ diýerler».

## 9-njy bap

### *Ysraýylyň duşmanlary jezalandyrylýar*

[1]Pygamberlik sözi.

Bu Rebbiň Hadrak ýurduna
degişli sözüdir.
Bu söz Damask şäherinde galar.
Rebbe degişlidir Siriýa şäherleri
we ysraýyl tireleri[b].
[2] Bu söz Hadrak bilen araçäkdeş
bolan Hamat ýurduna,
juda parasatly Sur bilen Sidon
şäherlerine hem degişlidir.
[3] Sur özüne berkitme gurdy,
gum kimin kümüş,
köçe hapasy ýaly altyn üýşürdi.
[4] Emma Reb onuň bar
ýygnanjasyny
elinden alar indi.
Deňizdäki güýjüni ýok eder,
şäheri ot ýalmap-ýuwudar.
[5] Ony görüp, Aşkelon gorkar,
Gaza yzadan ýaňa jebir çeker,
umytdan düşen Ekron-da şeýle
eder.
Gazanyň şasy ýok ediler,
Aşkelon ilatsyz galar.
[6] Aşdotda dürli milletlerden
garyşan halklar ýaşar,
Men piliştlileriň tekepbirliginiň
soňuna çykaryn.
[7] Alaryn agyzlaryndan ganly
etlerin,
dişleriniň arasyndan
nejisliklerin.
Aman galanlar Hudaýymyza
degişli bolar,
Ýahudanyň tiresi ýaly bolar,
Ekron ýabuslar kimin bolar.
[8] Goragçy hökmünde Öz
mekanymda düşlärin,
ýeke adam hem eýläk-beýläk
geçmez.

---

[a] **8:19** ***Dördünji… hem-de onunjy aýlar*** – seret: 2Pat 25:1 we Ýrm 39:2.
[b] **9:1** ***Rebbe degişlidir Siriýa şäherleri we ysraýyl tireleri*** – ýa-da *Ähli ysraýyl tireleri Rebbiň nazaryndadyr, bütin adamzat hem.*

Sütemkär aman galanlara
aralaşmaz,
çünki indi olara hut Özüm
nazar salaryn.

***Patyşa gelýär***

9 Şatlan, eý, Sion gyz, şatlan!
Eý, Iýerusalim gyzy, belent
owaz bilen gygyr!
Ine, Patyşaň saňa tarap gelýär.
Adyl hem ýeňijidir Ol!
Ol bir eşege,
eşegiň-de taýharyna münüp,
pes göwünlilik bilen saňa
gelýär.
10 Efraýymyň söweş arabalaryny,
Iýerusalimiň atlaryny ýok
ederin,
söweş ýaýlary omrulyp taşlanar.
Ol halklara abadançylygy
berkarar eder.
Hökümdarlygy deňizden-deňze,
derýadan ýeriň uçlaryna ýeter.
11 Sizi bolsa gurbanlyk gany bilen
baglaşan ähtim üçin,
tussagdakylaryňyzy gurruk
guýudan çykararyn.
12 Eý, umytly ýesirler, öz galaňyza
dolanyň!
Bu gün size iki esse bereket
berjekdigimi jar edýän.
13 Ýahudany ýaý ýaly edip egerin,
Efraýymy bolsa şol ýaýyň oky
ederin.
Eý, Sion, ogullaryňy greklere
garşy galdyraryn!
Seni elimde urşujynyň gylyjy
dek oýnaryn.
14 Şonda Reb Öz halkynyň üstünde
peýda bolar,
ýyldyrym deý uçar Onuň
peýkamy.
Hökmürowan Reb surnaý çalar-da,
günortadan harasat turzup, ýola
düşer.
15 Hökmürowan Reb halkyny gorap
saklar.
Halk öz duşmanlaryny ýok edip,
sapan bilen uruşýanlary depeläp
ýenjerler.
Toýda şerap içen ýaly içip
gygyryşarlar.
Olar gurbanlyk legeni ýaly
gandan doly bolup,
gurbanlyk sypasynyň burçlary
kimin gandan dolarlar.
16 Şol gün olaryň Hudaýy Reb halas
eder,
çünki olar çopan sürüsi
kimindir.
Olar täjiň gymmatbaha gaşlary
ýaly
Hudaýyň ýurdunda şöhle
saçarlar.
17 Nähili ajaýyp hem gözel bolarlar!
Bol bugdaý hem täze şerapdan
gyz-ýigitler gül açarlar.

## 10-njy bap

***Reb halas etmäge söz berýär***

1 Ýaz möwsüminde
Rebden ýagyş diläň.
Gara bulutlar getirýän Reb
olara güýçli çabgalar ýagdyrýar,
her kesiň meýdanynda otlar
bitirýär.
2 Butlar bimany gepleýärler,
palçylar ýalan sözleýärler,
galp düýşleri ýorýarlar,
soňy boş göwünlik berýärler.
Şol sebäpden goýun ýaly ygyp
ýörler,
çopansyzdyklary üçin ejir
çekýärler.
3 Çopanlara garşy tutaşdy gaharym,

baştutanlary jezalandyraryn.
Hökmürowan Reb Öz sürüsiniň –
Ýahuda nesliniň aladasyny eder,
olary buýsançly söweş aty
kimin eder.
4 Burç daşy, çadyr gazygy,
söweş ýaýy,
ähli ýolbaşçylar olardan çykar.
5 Söweş esgerleri deý bolar olar,
depelärler duşmany köçeleriň
palçygynda.
Rebbiň özleri bilendigi üçin
söweşip,
olar atly goşuny uýada goýarlar.
6 Ýahuda neslini
kuwwatlandyraryn,
Ýusup neslini halas ederin,
Men yzyna getirerin olary,
çünki olara rehimim indi.
Men tarapdan unudylmadyk ýaly
bolarlar.
Sebäbi olaryň Hudaýy Reb
Mendirin;
Men olara gulak asaryn.
7 Efraýym halky batyrlar kimin
bolar,
şerap içen deý olaryň köňli hoş
bolar.
Muny ogullary görüp guwanarlar;
olaryň göwünleri Rebde
galkynar.
8 Sykylyk çalyp, toplaryn olary,
çünki Men azat etdim olary.
Köpelerler olar hut öňküleri
ýaly.
9 Milletler arasyna olary tohum deý
sepdim,
emma olar Meni uzak ýurtlarda
ýatlarlar.
Çagalary bilen aman galyp
dolanyp gelerler.
10 Yzyna getirerin olary Müsürden;
Aşurdan ýygnaryn.
Getirerin Gilgada, Liwana
ýöne olar sygmazlar ol ýere.
11 Reb jebir deňzinden geçirer,
deňiz tolkunlaryny köşeşdirer.
Niliň düýpsüz çuňluklary gurar,
Aşuryň tekepbirligi çöker,
Müsüriň şalyk hasasy elinden
gider.
12 Olar Men-Rebde kuwwatlanarlar,
Meniň adym bilen gezerler,
Muny Reb aýdýandyr.

**11-nji bap**

1 Eý, Liwan, derwezeleriňi aç,
goý, ot kedr agaçlaryňy ýakyp
ýok etsin!
2 Eý, serwi, bagyr, çünki kedr agajy
ýykyldy,
şöhratly agaçlar wes-weýran
boldy!
Eý, Başanyň dublary, uwlaň,
çünki sümme tokaý ýer bilen
ýegsan boldy!
3 Çopanlaryň bagyryşyna gulak
salyň;
olaryň şöhraty öçdi.
Arslanlaryň arryldysyna gulak
goýuň;
Iordanyň etegindäki tokaý ýok
edildi.

***Iki çopan***

4 Meniň Hudaýym Reb şeýle diýýär:
«Soýulýan sürä çopan bol. 5 Sürini sa-
tyn alanlar goýunlary soýýarlar, ýöne
jezalaryny çekmeýärler. Goýunlary
satýan adam olara: „Rebbe alkyş
bolsun, sebäbi men baýadym“ diý-
ýär. Çopanlaryň öz goýunlaryna haýpy
gelmeýär. 6 Mundan beýläk ýurduň ila-
tyna haýpym gelmez, muny Men – Reb
aýdýandyryn. Men olaryň her birini
goňşusynyň hem-de patyşasynyň eline

bererin. Olar ýurdy weýran ederler. Men ýeke adamy-da olaryň elinden halas etmerin».

[7]Şeýlelikde, goýun söwdagärleriniň hatyrasyna[a] men soýulmaly sürä çopan boldum. Elime iki taýak aldym-da, olaryň birini «Merhemet», beýlekisini bolsa «Bütewülik» diýip atlandyrdym.
Şeýdip, sürini bakdym. [8]Bir aýda üç
çopany başymdan sowdum. Men goýun söwdagärlerini ýigrendim, olar
hem meni ýigrendiler. [9]Men olara:
«Men siziň üçin çopançylyk etjek däl. Ölen – ölsün, ýumrulan – ýumrulsyn. Aman galanlar bolsa biri-biriniň etini
iýsinler» diýdim. [10]Ähli halklar bilen
eden ähtimi bozmak üçin «Merhemet» diýip atlandyran taýagymy aldym-da,
ony döwdüm. [11]Hut şol günüň özünde
äht bozuldy. Jebir çeken goýunlar – olar maňa seredip durdular – munuň Rebbiň sözüdigine göz ýetirdiler. [12]Soňra
olara: «Eger muny dogry hasaplasaňyz, onda muzdumy beriň, eger nädogry hasaplasaňyz, muzd gerek däl» diýdim. Şeýlelikde, olar maňa otuz kümüş teňňe
çekip berdiler. [13]Reb maňa: «Olaryň
Maňa kesen bir şaýa degmeýän bahasyny al-da, küýzegäre taşlap ber» diýdi. Onsoň men otuz kümüş teňňäni aldym-da, Rebbiň ybadathanasyndaky küýzegäre taşladym. [14]Soňra men
Ýahuda bilen Ysraýylyň arasyndaky doganlyk gatnaşygyny bozmak üçin «Bütewülik» diýen ikinji taýagymyda döwdüm.

[15]Soňra Reb maňa şeýle diýdi: «Derde ýaramaýan çopanyň gurallaryny ýene-de
al. [16]Men şu ýurda bir çopan goýjakdyryn, ol ölüm ýassygynda ýatanyň aladasyny etmez, ýiteni idemez, maýyby bejermez, sag adamyň garnyny doýurmaz. Gaýtam ol semizleriň etini iýip, toýnaklaryny goparar.

[17]Sürini taşlaýan,
derde ýaramaýan çopanyň dat gününe!
Gylyç onuň elini çapsyn, sag gözüni oýsun.
Eli bütinleý gurasyn,
sag gözi sokur bolsun».

## 12-nji bap

### *Iýerusalimiň ýeňşi*

[1]Pygamberlik sözi.

Bu Rebbiň Ysraýyl hakyndaky sözüdir. Gögi ýaýan, ýeri esaslandyran we ynsan ruhuny ýaradan Reb şeýle diýýär:
[2]«Men Iýerusalimi daş-töweregindäki halklar üçin başyňy aýlaýan şeraply bir käse ederin. Iýerusalim gabawa düşende, bu käseden Ýahuda-da içer.

[3]Şol gün Men Iýerusalimi ähli milletler üçin agyr daş ederin. Ony göterenleriň ählisi özlerine zeper ýetirer. Ýer ýüzüniň ähli milletleri birleşip, Iýerusalimiň garşysyna çykarlar. [4]Şol gün Men atlaryň baryny
guduzladaryn, üstündäkileri bolsa dälirederin. Beýleki halklaryň atlarynyň gözlerini kör ederin, emma Ýahuda neslini Öz nazarymda saklaryn. Muny Reb aýdýandyr. [5]Şonda Ýahuda
baştutanlary öz-özlerine: „Özleriniň Hudaýy Hökmürowan Rebde kuwwatlanan Iýerusalimiň halky biziň gujur-gaýratymyzdyr“ diýerler. [6]Şol
gün Men ýahuda baştutanlaryny

[a] **11:7** ***Goýun söwdagärleriniň hatyrasyna*** – bu jümle käbir golýazmalarda *esasanam, jebir gören sürä* diýip duş gelýär.

oduň ortasynda ýanýan bir maňňal
ýaly, bugdaý dessesiniň içinde alaw-
lap ýanýan çyra ýaly ederin. Olar
sag-solundaky halklaryň ählisini ýa-
kyp-ýandyrarlar. Iýerusalim ýene-de
özüniň öňki ýerinde oturar».
7 Dawudyň nesilleriniň hem-de Iýeru-
salimiň halkynyň şöhraty Ýahudadan
öňe geçmez ýaly, Reb ilki ýahuda
halkyna ýeňiş berer. 8 Reb şol gün
Iýerusalimiň halkyny gorar. Olaryň
iň ejizi Dawut ýaly bolar. Dawudyň
nesli Hudaý ýaly, öňe çykan Rebbiň
perişdesi ýaly bolar.

### *Tutuş ýurtda ýas tutarlar*

9 «Şol gün Men Iýerusalimiň gar-
şysyna çykýan milletleriň ählisini
derbi-dagyn etmäge girişerin. 10 Men
Dawudyň nesliniň hem-de Iýerusalimiň
halkynyň üstüne merhemet we ýalbaryş
ruhuny dökerin. Olar özleriniň deşim-
-deşim edenine, ýagny Maňa serederler,
ýalňyz ogly üçin ýas tutýan ýaly ýas
tutarlar, nowbahar ogly üçin ahy-nala
çekýän ýaly ajy gözýaş dökerler. 11 Şol
gün Iýerusalimde tutuljak ýas Megido
düzlügindäki Hadatrimmonda tutulan
ýas ýaly agyr bolar. 12 Ýurtda her ko-
wumyň maşgalasy özbaşdak, aýallary
aýry, erkekleri aýry ýas tutar: Dawudyň
kowumynyň erkekleri aýry, aýallary
aýry; Natanyň kowumynyň erkekleri
aýry, aýallary aýry; 13 Lewiniň kowu-
mynyň erkekleri aýry, aýallary aýry;
Şimginiň kowumynyň erkekleri aýry,
aýallary aýry; 14 şeýle hem ähli galan
kowumlaryň erkekleri aýry, aýallary
aýry ýas tutar».

## 13-nji bap

1 Şol gün Dawudyň neslini hem-de
Iýerusalimiň halkyny günäden we
haramlykdan saplamak üçin bir çeş-
me çykar.

### *Butparazlygyň we ýalan pygamberligiň soňy*

2 Şol gün Men ýurtdan butlaryň atlary-
ny öçürip taşlaryn. Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr. Mundan beýläk olar
ýatlanylmaz. Ýalan pygamberleri-de,
erbet ruhy-da ýurtdan çykararyn. 3 Eger
kimdir biri ýene pygamberlik edäýse,
ata-enesi oňa: «Sen diri galmarsyň, se-
bäbi Rebbiň adyndan ýalan sözleýärsiň»
diýer. Ol pygamberlik edende, ata-enesi
ony pyçaklar. 4 Şol gün her bir pygamber
pygamberlik edýän wagtynda görnen
görnüşlerden utanar, adamlary aldamak
üçin pygamberleriň ýüň donuny geýmez.
5 Ol: «Men pygamber däl, men – daýhan.
Ýaş wagtym biri meni gul edip satyn
alypdyr» diýer. 6 Eger ondan: «Döşüň-
däki ýaraň näme?» diýip sorasalar, ol:
«Bu dostlarymyň öýündekäm boldy»
diýip jogap berer.

7 Eý, gylyç, oýan çopanymyň
garşysyna!
Oýan ýakynymyň garşysyna.
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.
Çopany ur, goý, dargasyn
goýunlar.
Men elimi kiçileriň garşysyna
galdyraryn.
8 Tutuş ýurduň,
üçden ikisi gyrlyp heläk bolar,
üçden biri diri galar.
Muny Reb aýdýandyr.
9 Şol galan üçden birini otdan
geçirerin,
olary kümüş kimin saplaryn,
altynyň barlanyşy ýaly synaryn.
Olar Maňa dileg ederler,
Men olara jogap bererin,

«Bu – Meniň halkym» diýerin;
Olar-da: «Reb – biziň
Hudaýymyz» diýerler.

## 14-nji bap

### *Soňky söweş*

1 Ine, Rebbiň güni gelýär! Eý, Iýe-
rusalim halky, sizden alnan olja öz
gözüňiziň alnynda paýlaşylar. 2 Men
Iýerusalimiň garşysyna uruşmak üçin
ähli milletleri ýygnaryn. Şäherler
basylyp alnar, öýler talanar, aýallar
zorlanar. Şäher halkynyň ýarysy sür-
gün ediler, ýöne halkyň galan bölegi
şäherden çykarylmaz. 3 Onsoň Reb
çykyp, söweş günündäki ýaly edip,
şol halklaryň garşysyna urşar. 4 Şol
gün Onuň aýagy gündogarda – Iýe-
rusalimiň öňündäki Zeýtun dagynda
bolar. Bu dag gündogardan günbatara
ägirt uly jülge bolup, ikä bölüner;
dagyň ýarysy demirgazyga, ýarysy
günorta çekiler. 5 Siz Rebbiň dagynyň
jülgesiniň içi bilen gaçarsyňyz, sebä-
bi ol jülge Asele çenli uzalyp gider.
Siz şonda Ýahuda patyşasy Uzyýa-
nyň döwründe bolan ýertitremeden
gaçyşyňyz ýaly gaçarsyňyz. Şol wagt
meniň Hudaýym Reb ähli mukad-
desler bilen bile geler. 6 Şol gün yşyk
bolmaz, asmandaky yşyk çeşmeleri
doňar. 7 Ol diňe Rebbe aýan bolan
aýratyn bir gün bolar. Ol ne gündize
meňzär, ne-de gijä; agşamyna ýag-
ty bolar. 8 Şol gün Iýerusalimde suw
joşar. Suwuň ýarysy gündogardaky
deňze, ýarysy günbatardaky deňze
akar. Bu gyşyna-da, tomsuna-da şeýle
dowam eder.

9 Reb tutuş ýer ýüzüniň Şasy bolar. Şol
gün Reb ýeke-täk Reb bolar we Onuň
ady ýeke-täk at bolar.

10 Gebadan Iýerusalimiň günorta-
syndaky Rimmona çenli tutuş ýurt
düzlüge öwrüler. Emma Iýerusalim
Benýamin derwezesinden öňki derwezä-
niň ýerleşen ýerine, Çüňk derwezesine
çenli, ýagny Hananel diňinden paty-
şanyň üzüm sykylýan ýerine çenli
aralykdaky belentlikde galar. 11 Iýe-
rusalimde adamlar ýaşar, ol indiden
beýläk ýok edilmez. Şäher howpsuz
bolar.

12 Iýerusalimiň garşysyna urşan
milletleri Reb şu belalar bilen jeza-
landyrar: heniz aýak üstünde gezip
ýörkäler – tenleri, hanasyndaka – göz-
leri, agyzlaryndaka – dilleri çüýrär.
13 Şol gün olary Reb uly aljyraňňylyga
salar, her kim öz gapdalyndakynyň elin-
den tutar, biri-birine ýumruk salarlar.
14 Hatda ýahudalar-da Iýerusalimde ur-
şarlar. Daş-töwerekdäki ähli milletleriň
baýlygy: uly möçberde altyn-kümşi,
geýimleri ýygnalar. 15 Atlardyr gatyr-
lara, düýelerdir eşeklere hem-de olaryň
düşelgelerinde bolan beýleki ähli haý-
wanlara-da şunuň ýaly belalar bilen
jeza berler.

16 Iýerusalimiň üstüne çozan millet-
lerden aman galanlary Patyşa, ýagny
Hökmürowan Rebbe ybadat etmek
hem-de Çatma baýramyny bellemek
üçin ýylyň-ýylyna Iýerusalime giderler.
17 Patyşa, ýagny Hökmürowan Reb-
be ybadat etmek üçin ýer ýüzündäki
halklardan Iýerusalime gitmedikler
ýagyş garasyny görmez. 18 Eger Müsür
nesli hem gidip, şuny berjaý etmese,
Reb olara-da Çatma baýramyny bel-
lemäge gitmedik halklaryň başyndan
inderen belasyny inderer. 19 Müsüriň
hem-de Çatma baýramyny bellemäge
gitmedik milletleriň ählisiniň jezasy
şeýle bolar.

20 Şol gün hatda atlaryň jaňjagaz-
laryna-da «Rebbe bagyş edilen» diýip
ýazylar; Rebbiň ybadathanasyndaky ga-
zanlar hem gurbanlyk sypasynyň öňün-
däki jamlar ýaly bolar. 21 Iýerusalimdäki
hem-de Ýahudadaky her bir gazan
Hökmürowan Rebbe bagyş ediler.
Gurbanlyk bermäge gelenler olary
gurbanlyk etini bişirmek üçin ulanar-
lar. Şol günden beýläk Hökmürowan
Rebbiň ybadathanasynda ýekeje-de
söwdagär bolmaz.

# Malaky pygamberiň kitaby

## Giriş

*Malaky pygamberiň kitaby* b. e. öň takmynan V asyrda, ýagny Iýerusalimdäki ybadathana dikeldilenden soň ýazylypdyr diýip hasaplanylýar. Malaky pygamber halky Hudaýyň ähtine wepaly bolmaga çagyrýar. Ol ruhanylary we halky ýazgaryp, olaryň Hudaýa mynasyp tärde sežde etmeýändiklerini, Ony aldaýandyklaryny aç-açan aýdýar. Pygamber olaryň Hudaýyň taglymatyna eýermeýändiklerini, Ony sylamaýandyklaryny hem aýdýar. Malaky pygamber Rebbiň Öz halkyny päklemäge we oňa kazylyk etmäge geljekdigi, emma munuň öň ýanynda Onuň üçin ýol taýynlajak we ähtini jar etjek bir wekilini iberjekdigi barada pygamberlik edýär.

***Mazmuny***

Ysraýylyň günäleri............................................................................ *1:1–2:16*
Rebbiň jezasy we rehim-şepagaty.................................................. *2:17–4:6*

---

### 1-nji bap

1Pygamberlik sözi. Malakynyň üsti
bilen Rebbiň ysraýyllara aýdan sözi.

***Rebbiň ysraýyllara bolan söýgüsi***

2Reb: «Men sizi ozaldan söýýärin»
diýýär. Emma siz: «Sen bizi nähili söý-
ýärsiň?» diýip soraýarsyňyz. Reb şeýle
diýýär: «Ysaw Ýakubyň dogany dälmi
näme? Men Ýakuby saýladym, 3em-
ma Ysawy ret etdim. Onuň daglaryny
weýran etdim, mülküni çöl şagallary-
na berdim». 4Edomlylar: «Biz weýran
edildik, ýöne weýrançylygy dikelderis»
diýerler. Ýöne Hökmürowan Reb şeý-
le diýýär: «Olar gurarlar, emma Men
ýykaryn. Ýurtlarynyň erbet ýurtdy-
gyny, halkyna bolsa Rebbiň ömürlik
gaharynyň gelendigini hemmeler bilerler.
5Muny öz gözleriňiz bilen görüp: „Reb
Ysraýyl serhedinden daşarda hem beýik-
dir!“ diýersiňiz».

***Reb ruhanylary ýazgarýar***

6Eý, Meniň adymy kemsidýän ruhany-
lar, Hökmürowan Reb size şeýle diýýär:
«Ogul atasyny, gul hojaýynyny syla-
ýar. Eger Men ata bolsam, hany Maňa
sylag-hormatyňyz? Eger Men hojaýyn
bolsam, hany siziň Menden gorkyňyz?
Gaýtam siz: „Biz nädip Seniň adyňy
kemsitdik?“ diýýärsiňiz. 7Siz Meniň
gurbanlyk sypamda haram gurbanlyklar
hödürläp, Meniň adymy kemsitdiňiz. Siz
ýene-de: „Biz nädip Seni haram etdik?“
diýip soraýarsyňyz. „Rebbiň saçagyny
kemsitsek hem bolar“ diýip, Meni haram

etdiňiz. 8 Kör maly gurbanlyk etmek
dürsmüdir? Agsak ýa-da kesel maly gur-
banlyk etmek erbetlik dälmi? Şeýle maly
öz häkimiňe bir eltip gör! Ol senden razy
bolarmyka, haýyşyňy ýerine ýetirer-
mikä? Muny Hökmürowan Reb diýýär.
9 Indi bize merhemet eder ýaly, Hudaýa
ýalbaryp bir görüň!? Şeýle gurbanlyklar
hödürläniňizden soň, Ol siziň soraýan
zadyňyzy edermikä? Muny Hökmüro-
wan Reb aýdýandyr». 10 Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Gurbanlyk sypamda
biderek ýere ot ýakmazyňyz ýaly, käşgä
araňyzdan biri çykyp, derwezeleri ýapsa-
dy! Men sizden razy däldirin. Indi Men
siziň eliňizden sadaka kabul etmerin.
11 Gündogardan günbatara çenli millet-
ler arasynda Meniň adym beýik bolar!
Ähli ýerde Meniň adyma ýakymly ysly
tütetgi ýakylyp, päk sadakalar hödür-
lener. Çünki milletler arasynda Meniň
adym beýik bolar. Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr. 12 Emma siz: „Rebbiň
saçagy haramdyr, çöregidir ir-iýmişi-
ni kemsitsek hem bolar“ diýip, Meniň
adyma ysnat getirýärsiňiz. 13 „Bu nähili
irginlik!“ diýip, siz muny äsgermezlik
etdiňiz, Hökmürowan Reb diýýär. Gur-
banlyk hökmünde siz talanyp alnan,
agsak ýa-da kesel mal hödürleýärsiňiz!
Men ony kabul ederin öýdýäňizmi? Mu-
ny Reb aýdýandyr.
14 Sürüsindäki goçy sadaka aýdyp, soň-
ra onuň ýerine Taňra maýyp-müjribi
gurbanlyk berýän kezzaba nälet bolsun!
Çünki Men beýik Patyşadyryn, Hök-
mürowan Reb diýýär. Milletler Meniň
adymdan gorkýarlar».

## 2-nji bap

1-2 Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Indi, eý, ruhanylar, bu buýruk siziň
üçindir. Eger diňlemeseňiz, adymy
şöhratlandyrmagy ýürekden islemeseňiz,
onda Men siziň üstüňize nälet ibererin
we alkyşlaryňyzy nälete öwrerin. Men
olary eýýäm näletledim, sebäbi siz mu-
ny ýürekden islemediňiz. 3 Men siziň
tohum-tijiňizi ýazgararyn. Baýramçylyk-
larda gurban edýän mallaryňyzyň dersini
ýüzüňize sürterin we siz huzurymdan
äkidilip, derse taşlanarsyňyz. 4 Şonda
Lewi bilen eden ähtimiň saklanmagy
üçin, bu buýrugy size ýollandygymy bi-
liň. Muny aýdýan Hökmürowan Rebdir.
5 Meniň onuň bilen eden ähtim ýaşaýyş
we parahatçylyk ähtidir. Men bulary oňa
Menden gorksun diýip berdim. Ol Men-
den gorkup, adyma hormat goýdy. 6 Onuň
edýän öwüt-ündewleri dogrudy, hileli
sözi ýokdy. Ol Meniň bilen ylalaşyk we
dogrulyk ýolundan ýöräp, köp adamlary
günäden sowdy. 7 Ruhanynyň sözleri bili-
mi goramalydyr. Ol Hökmürowan Rebbiň
wekilidir, ynsanlar onuň agzyndan öwüt-
ündew gözlemelidir. 8 Emma siz ýoldan
çykdyňyz we öwüt-ündewleriňiz bilen
köp adamlaryň büdremegine sebäp bol-
duňyz. Siz Lewiniň ähtini bozduňyz.
Muny aýdýan Hökmürowan Rebdir.
9 Öwüt-ündewiňizde tarapgöýlik edip,
Meniň ýollarymy tutmandygyňyz üçin,
Men hem sizi bütin halkyň öňünde kem-
sitdim we peseltdim».

### *Halkyň Rebbe biwepalygy*

10 Biziň hemmämiziň atamyz bir däl-
mi? Bizi bir Hudaý ýaratmadymy? Onda
näme üçin biz biri-birimize dönüklik
edip, ata-babalarymyzyň ähtini bozýa-
rys? 11 Ýahuda dönüklik edip, Ysraýylda
we Iýerusalimde nejis iş etdi. Ýahuda
keseki hudaýa sežde edýän gyza öýlenip,
Rebbiň halaýan mukaddes öýüni harama
çykardy. 12 Muny eden kişi Hökmürowan
Rebbe sadaka getiren bolsa-da, Reb onuň

maşgalasyny Ýakubyň neslinden sogrup
taşlap, ony jezalandyrsyn.
13 Ine, başga-da bir eden işiňiz bar:
siz Rebbiň gurbanlyk sypasyny göz-
ýaşlar bilen, möňňürip, ahy-nala bilen
dolduryarsyňyz, sebäbi Reb indi siziň
getiren sadakalaryňyza seretmeýär, olary
eliňizden hoşallyk bilen kabul etmeýär.
14 Siz: «Näme üçin kabul etmeýär?» diýip
soraýarsyňyz. Sebäbi Reb seniň we ýaş
wagtyň öýlenen aýalyňyň arasynda şa-
ýatdyr. Ol ýanýoldaşyň, ähtleşen aýalyň
hem bolsa, sen oňa dönüklik etdiň. 15 Tu-
tuş kalby bilen Hudaýa wepaly bolan hiç
bir adam beýle hereket etmez. Wepaly
adam näme isleýär? [a] Ol öz dogulýan
çagalarynyň Hudaýyň halky bolmagyny
isleýär. Şonuň üçin habardar boluň we
ýaşlykda öýlenen aýalyňyza dönüklik
etmäň. 16 Ysraýyl Hudaýy Reb: «Men aý-
rylyşmagy ýigrenýärin. Men aýrylyşan
adamyň başyna zulum salaryn [b], muny
Men – Hökmürowan Reb aýdýandyryn.
Şonuň üçin siz seresap boluň, dönüklik
etmäň» diýýär.

### *Höküm güni*

17 Siz sözleriňiz bilen Rebbi irizdiňiz.
«Ony nädip irizdik?» diýip soraýarsyňyz.
«Ýamanlyk edýän her bir adam Rebbiň
nazarynda gowudyr we Reb olardan
hoşaldyr» ýa-da «Hany, adalat Hudaýy
nirede?» diýip irizdiňiz.

## 3-nji bap

1 Hökmürowan Reb: «Öňümden ýol
taýýarlar ýaly, ine, Men Öz wekilimi
iberýärin. Siziň gözleýän Taňryňyz
duýdansyz Öz ybadathanasyna geler.
Siziň hoşal bolýan äht Wekiliňiz, ine,
gelýär» diýýär. 2 Emma äht Wekiliniň
geljek gününe kim çydap biler? Ol peýda
bolanda, onuň öňünde kim durup biler?
Çünki Ol demri eredýän ot kimin, kir
ýuwujynyň sabyny kimindir. 3 Ol kümşi
eredip saplaýan ýaly oturyp, Lewiniň
neslini saplar, olary altyn-kümüş kimin
eredip tämizlär. Şonda olar sadakalary-
ny Rebbe dogrulyk bilen hödür ederler.
4 Onsoň öňki döwürde, geçen ýyllarda
bolşy ýaly, Reb Ýahuda we Iýerusalim
halkynyň sadakalaryndan hoşal bolar.
5 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Soňra
Men höküm çykarmak üçin ýanyňyza
gelip, jadygöýlere, zynagärlere, ýalan
ýere ant içýänlere garşy we talabanyň,
dul aýalyň, ýetimiň hakyny iýýänlere
garşy, gelmişegi hukugyndan mahrum
edýänlere, Menden gorkmaýanlara garşy
derrew şaýat bolaryn.

### *Halk Hudaýyň hakyny iýýär*

6 Men Rebdirin, üýtgeýän däldirin.
Şonuň üçin hem siz Ýakubyň nes-
li bolmakdan mahrum edilmediňiz.
7 Ata-babalaryňyzyň döwründen bäri siz
Meniň parzlarymdan ýüz öwrüp, olary
berjaý etmeýärsiňiz. Maňa tarap öwrü-
liň, Menem size tarap öwrülerin. Muny
Hökmürowan Reb aýdýandyr». Emma
siz: «Biz nädip öwrüleli?» diýýärsiňiz.
8 Heý, ynsan Hudaýyň hakyny iýermi?
Siz Meniň hakymy iýdiňiz! Siz bolsa:
«Biz nädip Seniň hakyňy iýdik?» diýýär-
siňiz. Hasylyňyzyň ondan bir bölegini
bermekde we sadakalaryňyzda iýdiňiz!
9 Siz näletlendiňiz, sebäbi siz Menden
ogurlaýarsyňyz, bütin millet Menden

[a] **2:15** ***Tutuş kalby… isleýär?*** – ýa-da *Onda ajaýyp ruh bolsun diýip, ony bir edip ýarat-manmydy? Näme üçin bir edip?.*
[b] **2:16** ***Men aýrylyşan… salaryn*** – ýa-da *Aýrylyşyp, zulum edýäni ýigrenýärin.*

ogurlaýar! 10 Öýümde azyk bolar ýaly,
ondan biriňiziň baryny tutuşlygyna
ammara getiriň. Meni munuň bilen sy-
nap görüň. Muny Hökmürowan Reb
diýýär. Görüň, Men gögüň penjirelerini
siziň üçin açyp, üstüňize dolup-daşýan
bereket ýagdyrmarynmy? 11 Men siziň
üçin topragyňyzdaky hasyly weýran
etmegi çekirtgelere gadagan ederin.
Meýdandaky üzüm agaçlaryňyz ha-
sylsyz galmaz, Hökmürowan Reb diýýär.
12 Şonda ähli milletler size bagtly diýerler.
Çünki ýurduňyz eşretli ýurt bolar, muny
Hökmürowan Reb aýdýandyr.

### *Reb wepadarlary sylaglar*

13 Reb: «Maňa garşy bihaýa sözler
aýtdyňyz» diýýär. Siz bolsa: «Biz Saňa
garşy näme aýdypdyrys?» diýýärsiňiz.
14 Siz, ine, şeýle diýdiňiz: «Hudaýa gul-
luk etmek bidereklikdir. Hökmürowan
Rebbiň buýrugyny berjaý etmekden we
Onuň öňünde ýas tutup gezmekden biz
näme peýda görýäris? 15 Indi tekepbirlere
bagtly diýýäris. Erbetlik edýänleriň diňe
bir işi rowaç alman, eýsem olar Hudaýy
synap, jezadan gutulýarlar».

16 Onsoň Rebden gorkýanlar biri-bi-
rileri bilen gepleşdiler. Reb üns berip
diňledi. Rebden gorkup, adyna hormat
goýýanlar hakynda Onuň öňünde bir
ýatlama kitaby ýazyldy. 17 Hökmüro-
wan Reb şeýle diýýär: «Meniň bellän
günüm olar Meniňki bolar. Olar Meniň
gymmatly halkym bolar. Atasynyň özü-
ne hyzmat eden ogluna haýpy gelşi ýaly,
Meniň hem olara haýpym geler. 18 Şonda
siz ýene bir gezek dogry bilen egriniň,
Hudaýa gulluk edýän bilen etmeýäniň
arasyndaky tapawudy görersiňiz».

## 4-nji bap

### *Rebbiň geljek güni*

1 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Ine,
ol gün ojak ýaly ýanyp gelýär. Ähli te-
kepbirler we hemme erbetlik edýänler
saman kimin bolarlar. Ol gün olaryň
hemmesini ot ýandyrar. Olarda ne
kök, ne-de baldak galar. 2 Ýöne Meniň
adymdan gorkýan siz üçin şöhlesi bilen
şypa berjek adalat güneşi dogar. Siz
şonda gazygyndan boşanan göle ýaly
böküşersiňiz. 3 Erbetleri basgylarsyňyz,
çünki Meniň bellän günüm olar siziň
aýaklaryňyzyň astynda kül bolar. Muny
Hökmürowan Reb aýdýandyr. 4 Gulum
Musanyň kanunyny, bütin Ysraýyl üçin
Meniň Horep dagynda [a] onuň üsti bilen
buýran parzlarymy we hökümlerimi ýat-
laň. 5 Ine, Men-Rebbiň beýik we gazaply
güni gelmezden öň, Özüm size Ylýas
pygamberi ibererin. 6 Ol ata-eneleriň
ýüregini çagalaryna, çagalaryň ýüre-
gini ata-enelerine tarap öwrer. Şonda
Men gelip, ýurdy näletläp ýok etmerin».

[a] **4:4** ***Horep dagy*** – bu Sinaý dagynyň beýleki ady.

# TÄZE ÄHT

## ◇ INJIL ◇

# Mattanyň hoş habary

## Giriş

Bu kitap Isanyň şägirdi Matta tarapyndan ýazyldy. Matta Isa duşmazyndan ozal salgytçydy. Emma Isa Mesih bilen bolan duşuşyk onuň dünýägaraýşyny düýpgöter özgerdýär. Isa ony Öz yzyna eýermäge çagyranda, Matta bada-bat kärini taşlap, Onuň yzyna düşýär. Matta Isa nirä gitse, Onuň bilen bile gidýär we soňra Onuň 12 resulynyň biri bolýar.

Matta öz kitabynda Köne Äht ýazgylaryna ýygy-ýygydan salgylanýar. Ol kitabyny Isanyň nesil daragtyny beýan etmekden başlaýar. Şeýle etmek bilen, ol Isanyň tötänlikden peýda bolman, eýsem Köne Ähtdäki wadalara görä doglandygyny nygtaýar. Matta Isanyň Mesihdigini, Onuň pygamberler arkaly wada berlen Patyşadygyny aýan edýär. Pygamberler Isa Mesihiň Dawut pygamberiň neslinden doglup, Hudaýyň Şalygyny berkarar etjek Halasgärdigini müňlerçe ýyl ozal aýdyp geçipdirler. Matta özüniň şaýat bolan wakalaryny beýan edip, Isa Mesihiň dogrudan-da Hudaýyň Ogludygyny tassyklaýar.

Matta Hudaýyň Şalygy barada örän köp ýazýar. Ol bu Şalygyň gündogarda, ýa günbatarda, ýa haýsydyr başga bir ýerde däl-de, adamlaryň özlerini Isa tabşyryp, Oňa eýeren ýerlerinde berkarar bolýandygyny okyjylaryna mälim edýär. Isa Mesihe iman edip, Onuň tabşyryklaryny berjaý edýän islendik adam dogry durmuşda ýaşap, Hudaýyň Şalygyny miras alýar.

Matta öz kitabynda Isany Mugallym diýip atlandyrýar, sebäbi Isa Mukaddes Ýazgylary doly ygtyýarlylyk bilen teswirlärdi, Hudaýyň Şalygyny Şaýat hökmünde beýan ederdi.

***Mazmuny***


Isa Mesihiň nesil daragty we dogluşy ........ *1:1–2:23*
Ýahýa pygamberiň hyzmaty ........ *3:1-12*
Isanyň çümdürilmegi we synalmagy ........ *3:13–4:11*
Isanyň Jelile welaýatyndaky hyzmaty ........ *4:12–18:35*
Jelileden Iýerusalime çenli ........ *19:1–20:34*
Iň soňky hepde we Iýerusalim şäherine girmegi ........ *21:1–27:66*
Reb Isanyň ölümi we direlişi ........ *28:1-20*

## 1-nji bap

### *Isa Mesihiň nesil daragty*
*(Luka 3:23-38)*

1 Ybraýymyň we Dawudyň neslinden
bolan Isa Mesihiň nesil daragtynyň ýaz-
gysy, ine, şeýledir:
2 Ybraýymdan Yshak,
Yshakdan Ýakup, Ýakupdan Ýahuda we
onuň doganlary dünýä indi.
3 Ýahudadan
Peres bilen Zerah doguldy, olaryň eje-
si Tamardy. Peresden Hesron, Hesron-
dan Ram doguldy.
4 Ramdan Eminadap,
Eminadapdan Nahşon, Nahşondan Sal-
mon doguldy.
5 Salmondan Bowaz dünýä
indi, onuň ejesi Rahapdy. Bowazdan Obet
dünýä indi, onuň ejesi Rutdy. Obet Ýyşa-
ýyň kakasydy.
6 Ýyşaýdan Dawut patyşa
doguldy. Dawutdan Süleýman dünýä in-
di, onuň ejesi Uryýanyň dul aýaly Batşe-
bady.
7 Süleýmandan Rehabgam, Rehab-
gamdan Abyýa, Abyýadan Asa,
8 Asadan
Ýehoşapat, Ýehoşapatdan Ýehoram, Ýe-
horamdan Uzyýa doguldy.
9 Uzyýadan
Ýotam, Ýotamdan Ahaz, Ahazdan Hiz-
kiýa,
10 Hizkiýadan Manaşa, Manaşadan
Amon, Amondan Ýoşyýa doguldy.
11 Ýo-
şyýa Babyl sürgününiň öňüsyrasynda dog-
lan Ýekonýanyň we onuň doganlarynyň
atasydy.
12 Ýekonýa Babyl sürgününden
soňra doglan Şeýaltyýeliň atasydy. Şeýal-
tyýelden Zerubabyl,
13 Zerubabyldan Aby-
hut, Abyhutdan Eliýakym, Eliýakymdan
Azor,
14 Azordan Sadok, Sadokdan Akym,
Akymdan Elihut,
15 Elihutdan Elgazar,
Elgazardan Mattan, Mattandan Ýakup
doguldy.
16 Ýakup Meryýemiň adamsy Ýu-
subyň atasydy, Meryýemden bolsa Mesih [a]
diýip atlandyrylan Isa doguldy.
17 Şeýlelikde, Ybraýymdan Dawuda
çenli bolan nesiller jemi on dört arkadyr.
Dawutdan Babyl sürgünine çenli hem on
dört, Babyl sürgüninden Mesihe çenli
hem on dört arkadyr.

### *Isa Mesih dogulýar*
*(Luka 2:1-7)*

18 Isa Mesihiň dogluşy şeýle boldy:
Onuň ejesi Meryýem bilen Ýusup adaglydy,
emma olar entek ýassykdaş bolmankalar,
Meryýem özüniň Mukaddes Ruh arkaly
göwreli bolandygyny bildi.
19 Onuň adag-
lysy Ýusup dogruçyl adamdy, şoňa görä
ol Meryýemiň ile masgara bolmagyny
islemän, ony ýaşyryn aýryp goýbermegi
ýüregine düwdi.
20 Ýusup bu hakda oý-
lanyp ýörkä, Rebbiň bir perişdesi onuň
düýşüne girip: «Eý, Dawut ogly Ýusup!
Sen Meryýeme öýlenmekden gorkma,
sebäbi onuň göwresindäki Mukaddes
Ruh arkalydyr.
21 Ol bir Ogul dograr, sen
Onuň adyna Isa [b] dakarsyň, sebäbi Ol Öz
halkyny günälerinden halas eder» diýdi.
22-23 Bularyň hemmesi Rebbiň pygamber
arkaly: «Ine, boý gyz göwreli bolup, Ogul
dograr. Onuň adyna Imanuwel dakarlar»
diýip aýdan sözüniň berjaý bolmagy
üçin boldy. Bu at «Hudaý biziň bilen-
dir» diýmegi aňladýar.
24 Ýusup ukudan
oýanansoň, Rebbiň perişdesiniň buýru-
gyny ýerine ýetirip, Meryýeme öýlendi.
25 Emma Meryýem ogluny [ç] dogurýança,

---

[a] **1:16** ***Mesih*** – ýewreýler bu sözi Hudaý tarapyndan wada berlen Patyşa babatynda ulanýarlar. Sözlüge seret.

[b] **1:21** ***Isa*** – bu söz *Reb halas edýär* diýmegi aňladýar.

[ç] **1:25** ***Ogluny*** – käbir golýazmalarda *nowbahar ogluny.*

---

**1:22-23** Işa 7:14.

Ýusup oňa ýanaşmady. Ýusup doglan
çaganyň adyna Isa dakdy.

## 2-nji bap

### *Müneçjimler gündogardan gelýär*

1 Isa Hirod patyşanyň döwründe Ýahu-
dyýanyň Beýtullaham şäherinde eneden
doguldy. Şonda müneçjimler gündogar-
dan Iýerusalime gelip: 2 «Ýahudylaryň
patyşasy bolup doglan nirede? Biz Onuň
dogluş ýyldyzyny gördük we Oňa sežde
etmäge geldik» diýdiler. 3 Hirod patyşa
muny eşidende, onuň özi-de, tutuş Iýe-
rusalim halky-da galagopluga düşdi.
4 Ol ähli ýolbaşçy ruhanylary, Töwrat
mugallymlaryny ýygnap, olardan Me-
sihiň nirede dogulmalydygy hakynda
sorady. 5 Olar şeýle jogap berdiler: «Ol
Ýahudyýadaky Beýtullaham şäherin-
de dogulmaly, sebäbi pygamber şeýle
ýazypdyr:

6 „Emma sen, eý, Ýahuda
ýurdundaky Beýtullaham!
Ýahuda hökümdarlarynyň
arasynda asla kiçisi dälsiň sen.
Çünki senden bir Hökümdar
çykar,
halkym Ysraýylyň çopany
bolar“».

7 Onsoň Hirod müneçjimleri gizlin
çagyryp, olardan ýyldyzyň haçan gör-
nendigi barada jikme-jik sorady. 8 Hirod:
«Baryň, çaga baradaky habaryň anygy-
na ýetiň. Ony tapan badyňyza, maňa
habar beriň. Menem baryp, Oňa sežde
etjek» diýip, olary Beýtullahama iberdi.
9 Olar patyşany diňläp, ýola düşdüler.
Ine, olaryň gören dogluş ýyldyzy ýene
peýda boldy we öňlerine düşüp, çaga-
nyň doglan ýeriniň üstüne gelip durdy.
10 Ýyldyzy görenlerinde, olaryň şatlyk-
larynyň çägi bolmady. 11 Olar öýe girip,
çaga bilen ejesi Merýemi gördüler. Şonda
dyza çöküp, Oňa sežde etdiler-de, hazy-
nalaryny açyp, altyn, hoşboý tütetgiler
we mür[a] sowgat berdiler. 12 Hirodyň
ýanyna gaýdyp barmazlyk hakda düýş
arkaly duýduryş berlensoň, müneçjimler
öz ýurtlaryna başga ýol bilen gaýtdylar.

### *Ýusup maşgalasy bilen Müsüre gaçýar*

13 Müneçjimler gidenden soň, Rebbiň
bir perişdesi Ýusubyň düýşüne girip:
«Tur! Çaga bilen ejesini al-da, Müsüre
gaç. Özüm habar berýänçäm, şol ýerde
gal, sebäbi Hirod çagany öldürmek üçin
Onuň gözlegine çykmakçy bolýar» diýdi.
14 Şeýlelikde, Ýusup turdy-da, çaga bilen
Onuň ejesini alyp, şol gije Müsüre tarap
ýola düşdi. 15 Ol tä Hirod ölýänçä, şol
ýerde galdy. Şunlukda, Rebbiň: «Oglumy
Müsürden çagyrdym» diýip, pygamber
arkaly aýdan sözi berjaý boldy.
16 Müneçjimleriň aldanyny bilip, Hirod
gahar-gazaba mündi. Ol müneçjimlerden
sorap anyklan wagtyna görä, Beýtul-
laham bilen onuň daş-töweregindäki
obalarda doglan iki ýaşyndaky we iki
ýaşa ýetmedik erkek göbekli çagalaryň
ählisini öldürtdi. 17 Şeýdip, Ýermeýa
pygamberiň şu aýdanlary berjaý boldy:

18 «Ramadan bir ses eşidildi,
agy we ajy perýat sesleri,
Rahel çagalary üçin aglaýar,

---

[a] **2:11** ***Mür*** – atyr ýasamakda we merhumy jaýlamakda ulanylan ýakymly ysly ösümlik. Sözlüge seret.

---

**2:6** Mik 5:2. **2:15** Hoş 11:1. **2:18** Ýrm 31:15.

teselli berilmegini islemeýär,
çünki olar indi ýok».

***Ýusup maşgalasy bilen Nasyra gaýdyp gelýär***

19 Hirod ölenden soň, Rebbiň bir periş-
desi Müsürde Ýusubyň düýşüne girip:
20 «Tur, çaga bilen Onuň ejesini al-da,
Ysraýyla dolan, sebäbi çaganyň janynyň
kastyna çykanlar öldi» diýdi. 21 Onsoň
Ýusup çaga bilen ejesini alyp, Ysraýy-
la gaýtdy. 22 Ýöne Arhelanyň öz atasy
Hirodyň ýerine Ýahudyýanyň patyşasy
bolanyny eşidip, ol ýere barmaga gorkdy.
Düýşüň üsti bilen duýduryş berlensoň, ol
Jelile welaýatyna tarap ýola düşdi. 23 Ol
ýere baryp, Nasyra diýen şäherde mes-
gen tutdy. Şeýdip, pygamberler arkaly:
«Oňa nasyraly diýler» diýip aýdylan söz
berjaý boldy.

**3-nji bap**

***Ýahýa çümdürijiniň wagzy***
*(Mark 1:1-8; Luka 3:1-18; Ýohanna 1:19-28)*

1 Şol günlerde Ýahýa çümdüriji peýda
bolup, Ýahudyýa çölünde wagyz etmäge
başlady. 2 Ol: «Toba ediň, sebäbi Gögüň
Şalygy golaýlady» diýýärdi. 3 Ine, Işaýa
pygamberiň ol hakynda: «Çölde bir ses
gygyrýar: „Rebbe ýol taýýynlaň! Onuň
ýodalaryny düzläň!“ diýýär» diýip aýdan
şol adamy Ýahýadyr. 4 Ýahýanyň düýe
ýüňünden eşikleri, bilinde gaýyşdan
guşagy bardy. Onuň iýmiti çekirtge bi-
len meýdan balydy. 5 Tutuş Iýerusalimiň,
Ýahudyýanyň we Iordan etrabynyň ähli
halky onuň ýanyna gelýärdi. 6 Olar gü-
näleri üçin toba edip, Ýahýa tarapyndan
Iordan derýasynda çümdürilýärdiler.
7 Ýahýa fariseýleriň we saddukeýle-
riň ençemesiniň çümdürilmek üçin öz
ýanyna gelýändiklerini görende, olara
şeýle diýdi: «Eý, alahöwrenler nesli!
Geljek gazapdan gaçyp gutulyp bi-
leris öýdýäňizmi? 8 Mundan beýläk
eden tobaňyza mynasyp miwe beriň.
9 Öz-özüňize: „Biziň atamyz Ybraýym-
dyr“ diýip oýlamaň. Men size şuny
aýdaýyn: Hudaý Ybraýym üçin şu
daşlardan hem perzent ýaradyp bil-
ýändir! 10 Ine, palta eýýäm agaçlaryň
düýbünde ýatyr: oňat miwe bermeýän
her bir agaç çapylyp, oda taşlanar. 11 Toba
edendigiňiziň nyşany hökmünde men
sizi suwa çümdürýärin, emma menden
soňra Geljek menden has güýçlüdir.
Men Onuň çaryklaryny götermäge-de
mynasyp däldirin. Ol sizi Mukaddes
Ruha hem-de oda çümdürer. 12 Onuň
harman sowurýan çarşagy elindedir.
Ol harman ýerini süpürip, bugdaýyny
ammara üýşürer, samany bolsa sön-
mez otda ýakar».

***Isa suwa çümdürilýär***
*(Mark 1:9-11; Luka 3:21,22)*

13 Onsoň Isa Ýahýa tarapyndan çümdü-
rilmek üçin Jelileden Iordana, Ýahýanyň
ýanyna geldi. 14 Emma Ýahýa Ony saklap:
«Sen meni çümdürmeli welin, Seniň
Özüň meniň ýanyma gelýärsiňmi?» diý-
di. 15 Isa oňa: «Goý, häzir şeýle bolsun,
sebäbi bize Hudaýyň islegini berjaý
etmek ýaraşýandyr» diýip jogap berdi.
16 Isa suwa çümdürilip çykan badyna
gökler açyldy. Ol Hudaýyň Ruhunyň
kepderi görnüşde Öz üstüne inip gel-
ýänini gördi. 17 Şol wagt gökden: «Bu
Meniň söwer Oglumdyr, Men Ondan
köp razydyryn» diýen owaz geldi.

---

**3:3** Işa 40:3.

## 4-nji bap

### *Isa synalýar*
*(Mark 1:12,13; Luka 4:1-13)*

1 Soňra iblisiň synamagy üçin, Mu-
kaddes Ruh Isany çöle äkitdi. 2 Isa kyrk
gije-gündiz agyz bekländen soňra ajykdy.
3 Şol wagt Onuň ýanyna azdyryjy şeýtan
gelip: «Eger Sen Hudaýyň Ogly [a] bolsaň,
onda şu daşlaryň çörege öwrülmegini
buýur» diýdi. 4 Emma Isa oňa: «„Ynsan
diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem Reb-
biň agzyndan çykýan her bir söz bilen
hem ýaşaýar“ diýip ýazylgydyr» diýip
jogap berdi. 5 Soňra iblis Isany mukaddes
şäher Iýerusalime getirdi. Ony ybadat-
hananyň çür depesine çykaryp: 6 «Eger
Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, Özüňi aşak
okla. Çünki şeýle ýazylgydyr:

„Ol perişdelerine Sen babatda emr
eder.
Aýagyň daşa büdremez ýaly,
olar Seni ellerinde göterer“»
diýdi.

7 Isa oňa: «„Hudaýyňyz Rebbi syna-
maň“ diýip hem ýazylgydyr» diýdi.

8 Bu gezek iblis Isany beýik bir dagyň
çür başyna çykardy. Oňa dünýäniň ähli
şalyklaryny we olaryň şan-şöhratyny
görkezip: 9 «Eger dyzyňa çöküp, ma-
ňa seždе etseň, bularyň baryny Saňa
bereýin» diýdi. 10 Isa oňa: «Ýok bol,
şeýtan! „Hudaýyňyz Rebbe sežde ediň,
diňe Oňa gulluk ediň“ diýip ýazylan-
dyr» diýdi.

11 Şundan soň iblis Isany taşlap gitdi.
Perişdeler gelip, Isa hyzmat etdiler.

### *Isa Hoş Habary yglan etmäge başlaýar*
*(Mark 1:14,15; Luka 4:14,15)*

12 Isa Ýahýanyň tussag edilendigini
eşidende, Jelilä dolandy. 13 Ol ilki Nasy-
ra şäherine geldi, emma ol ýerde uzak
eglenmän, Zebulun bilen Naftaly we-
laýatyndaky Jelile kölüniň kenarynda
ýerleşýän Kapernaumda ornaşdy. 14 Şun-
lukda, Işaýa pygamber arkaly aýdylan
şu söz berjaý boldy:

15 «Eý, Zebulun we Naftaly ýurdy!
Deňiz ýakasyndaky ýol,
Iordanyň aňyrsy!
Eý, keseki milletleriň ýaşaýan
Jelilesi!
16 Tümlükde mesgen tutan halk
beýik nur gördi,
tüm garaňkylykda ýaşaýanlaryň
üstlerine nur saçyldy».

17 Şol wagtdan başlap, Isa: «Toba ediň,
çünki Gögüň Şalygy golaýlady» diýip,
wagyz etmäge başlady.

### *Isa ilkinji şägirtlerini saýlaýar*
*(Mark 1:16-20)*

18 Isa Jelile kölüniň kenaryndan geçip
barýarka, köle tor taşlap duran iki dogany
gördi. Olaryň biri Petrus lakamly Simun,
beýlekisi hem Andrysdy. Olar balykçy-
dylar. 19 Isa olara: «Meniň yzyma düşüň,
Men sizi ynsan tutýan balykçylar edeýin»
diýdi. 20 Olar hem şol wagtyň özünde
torlaryny taşlap, Onuň yzyna düşdüler.
21 Biraz ýöränlerinden soň, Isa başga iki
dogany, Zebedeýiň ogullary Ýakup bilen
Ýohannany gördi. Olar gaýygyň içinde

---

[a] **4:3** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

**4:4** Kan 8:3. **4:6** Zeb 90:11-12. **4:7** Kan 6:16. **4:10** Kan 6:13. **4:15** Işa 9:1-2.

kakalary Zebedeý bilen torlaryny bejerip
otyrdylar. Isa olary çagyrdy. 22 Olar hem
dessine gaýyk bilen kakalary Zebedeýi
taşlap, Isanyň yzyna düşdüler.

### *Isa hassalary sagaldýar*

23 Isa tutuş Jeliläni aýlanyp çykdy. Ol
ýerdäki sinagogalarda sapak berip, Gö-
güň Şalygynyň Hoş Habaryny wagyz
etdi, halkyň arasyndaky her hili keselleri,
hassalary sagaltdy. 24 Onuň at-owazasy
bütin Siriýa ýaýrady, dürli kesellere
duçar bolan ähli hassalary, arwah-jyn
eýelänleri, tutgaýlylary we oturalary
Isanyň ýanyna getirdiler, Ol hem olary
sagaltdy. 25 Jelileden, Dekapolisden [a],
Iýerusalimden, Ýahudyýadan we Iorda-
nyň gündogar tarapyndan uly mähelle
Onuň yzyna düşdi.

## 5-nji bap

### *Hakyky bagtyýarlyk*
*(Luka 6:20-23)*

1 Isa üýşen mähelläni görüp, daga
çykyp oturdy. Şägirtleri Onuň ýany-
na geldiler, 2 Isa hem olara öwretmäge
başlady:
3 «Ruhy garyplar bagtlydyr, çünki
Gögüň Şalygy olaryňkydyr.
4 Gussa çekýänler bagtlydyr, çünki
olara göwünlik berler.
5 Ýumşak adamlar bagtlydyr, çünki
olar ýer ýüzüni miras alarlar.
6 Dogrulyga ajygyp-suwsanlar bagtly-
dyr, çünki olar doýup-ganarlar.
7 Rehimliler bagtlydyr, çünki olara-da
rehim ediler.
8 Kalby päkler bagtlydyr, çünki olar
Hudaýy görerler.
9 Parahatlyk döredýänler bagtlydyr,
çünki olara Hudaýyň ogullary diýler.
10 Dogrulyk üçin yzarlanýanlar bagtly-
dyr, çünki Gögüň Şalygy olaryňkydyr.
11 Men sebäpli adamlaryň size sögen,
yzarlan, nähak ýere her hili gybatyňyzy
eden mahaly bagtlysyňyz! 12 Şatlanyň,
begeniň, sebäbi göklerde aljak sylagy-
ňyz uludyr. Sizden öň pygamberler-de
şeýdip yzarlandylar.

### *Duz we yşyk*
*(Mark 9:50; Luka 14:34,35)*

13 Siz ýeriň duzusyňyz, emma duz ta-
gamyny ýitirse, ol näme bilen duzlanar?
Daşary zyňlyp, aýak astynda depelen-
mekden başga hiç zada ýaramaz. 14 Siz
dünýäniň yşygysyňyz. Depede gurlan
şäheri gizläp bolmaz. 15 Çyrany ýakyp,
gabyň aşagynda goýýan däldirler. Ony
çyradanyň üstünde goýýandyrlar, şonda
ol öýdäkileriň hemmesine yşyk berýändir.
16 Goý, siziň yşygyňyz adamlaryň öňünde
parlasyn, şonda olar gowy işleriňizi gö-
rüp, gökdäki Ataňyzy şöhratlandyrarlar.

### *Isa Töwrat hakynda söz açýar*

17 Maňa Töwrat bilen pygamberleriň
ýazgylaryny bozmaga gelendir öýt-
mäň. Men bozmaga däl-de, olary amala
aşyrmaga geldim. 18 Size dogrusyny aýd-
ýaryn, asman bilen ýer ötýänçä, ähli zat
amala aşýança, Töwratdan ýekeje harp-
da, bir nokat-da öçmez. 19 Şonuň üçin
hem kim bu buýruklaryň iň kiçisinden
birini bozsa we şeýle etmegi başgalara
öwretse, ol Gögüň Şalygynda iň kiçi
saýylar. Emma kim bulary berjaý edip,
başgalara-da öwretse, ol Gögüň Şalygyn-
da uly saýylar. 20 Men size şuny aýdýaryn:

[a] **4:25** ***Dekapolis*** – Samariýa bilen Jeliläniň gündogarynda ýerleşen on şäheriň umumy ady. Sözlüge seret.

dogrulygyňyz Töwrat mugallymlaryňky
bilen fariseýleriňkiden artyk bolmasa,
Gögüň Şalygyna asla girmersiňiz.

### *Gahar we hököm*

21 Siz ata-babalarymyza: „Adam öldür-
me, kim adam öldürse, hököme sezewar
bolar“ diýlenini eşidensiňiz. 22 Emma Men
size aýdýaryn: öz doganyna gaharlanan[a]
adam hem hököme sezewar bolar. Kim öz
doganyna „raka“[b] diýse, ýokary mejlisiň
hökümine sezewar bolar. Hatda hiç kim
„samsyk“ hem diýmesin, ýogsam dowzah
oduna taşlanar. 23 Şonuň üçin gurbanlyk
sypasynda sadaka bermäge barýarkaň,
doganyňyň senden öýke-kinesiniň bar-
dygy ýadyňa düşse, 24 sadakaňy sypanyň
öňünde goý-da, gidip öňürti doganyň bilen
ýaraş. Soňra gelip, sadakaňy hödür et.

25 Dawagäriň bilen entek ýoldakaň
ýaraş, ýogsam ol seni kaza, kazy hem
zyndan sakçysyna tabşyryp, zyndana
düşmegiň ahmal. 26 Saňa dogrusyny
aýdýaryn, jerimäňi doly töleýänçäň, ol
ýerden çykmarsyň.

### *Zynahorlyk*

27 Siz: „Zyna etme“ diýlenini hem
eşidensiňiz. 28 Emma Men welin kim
başga aýala azgyn höwes bilen baksa,
öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna
edendir diýýärin. 29 Sag gözüň seniň
günä etmegiňe sebäp bolsa, ony sogrup
taşla. Bir synaňyň ýok bolmagy tutuş
göwräňiň dowzaha atylmagyndan go-
wudyr. 30 Sag eliň seniň günä etmegiňe
sebäp bolsa, ony kesip taşla. Bir synaňyň
ýok bolmagy tutuş göwräňiň dowzaha
taşlanmagyndan gowudyr.

### *Talak*
*(Mark 10:11-12; Luka 16:18)*

31 Şeýle hem: „Kim aýalyny kowup
goýberse, oňa talak hatyny bersin“
diýlendir. 32 Emma Men size diýýärin,
aýalyny zynadan başga sebäp bilen aý-
ran adam onuň zyna etmegine sebäp
bolýandyr. Aýrylyşan aýala öýlenen
adam hem zyna edýändir.

### *Ant içmek barada*

33 Siz ýene gadymkylara: „Ýalandan ant
içme, emma Rebbiň öňünde içen antlary-
ňy berjaý et“ diýlenini hem eşidensiňiz.
34 Men welin size asla ant içmäň diýýärin.
Gökden ant içmäň, çünki gök Hudaýyň
tagtydyr. 35 Ýerden hem ant içmäň, çünki
ýer Onuň aýaklarynyň kürsüsidir; Iýeru-
salimden-de ant içmäň, çünki ol Beýik
Patyşanyň şäheridir. 36 Öz başyňyzdan
hem ant içmäň, sebäbi siz onuň ýeke gy-
lyny-da ak ýa gara edip bilýän dälsiňiz.
37 Siziň „hawaňyz“ hawa, „ýoguňyz“ ýok
bolsun. Mundan artygy şeýtandandyr.

### *Göze – göz, dişe – diş*
*(Luka 6:29,30)*

38 Siz: „Göz ornuna göz, diş ornuna diş“
diýlenini eşidensiňiz. 39 Emma Men size
diýýärin: ýaramaz adama garşy durma.
Seniň sag ýaňagyňa urana, beýleki ýa-
ňagyňy-da tut. 40 Seniň bilen dawalaşyp,

---

[a] **5:22** ***Gaharlanan*** – käbir golýazmalarda *hiç bir sebäpsiz gaharlanan.*
[b] **5:22** ***Raka*** – arameýçe bu söz *boş kelle* diýmegi aňladýar.

**5:21** Msr 20:13; Kan 5:17; 16:18. **5:27** Msr 20:14; Kan 5:18. **5:31-32** Luk 16:18; Mar 10:11-12; Kan 24:1-4. **5:33-37** Lew 19:12; Çöl 30:2-3; Kan 23:21. **5:38** Msr 21:24; Lew 24:20; Kan 19:21.

köýnegiňi aljak bolýana donuňy-da ber.
41 Kim seni özi bilen bir menzil ýol ýö-
remäge mejbur etse, sen onuň bilen iki
menzil ýol ýöre. 42 Dileg salana ber, karz
dileýänden ýüzüňi öwürme.

### *Duşmanlaryňyzy söýüň*
*(Luka 6:27-28,32-36)*

43 Siz: „Ýakynyňy söý, duşmany-
ňy ýigren“ diýlenini hem eşidensiňiz.
44 Emma Men size diýýärin: duşman-
laryňyzy söýüň, özüňizi yzarlaýanlar
üçin doga-dileg ediň. [a] 45 Şonda siz gök-
däki Ataňyzyň ogullarydygyňyzy subut
edersiňiz. Gökdäki Ataňyz Öz güneşini
ýamanlaryň hem, ýagşylaryň hem üstü-
ne dogdurýar, ýagmyryny dogrularyň
hem, egrileriň hem üstüne ýagdyrýar.
46 Siz özüňizi söýýänleri söýýän bolsa-
ňyz, onda näme sylag alarsyňyz? Salgyt
ýygnaýanlar-da şeýle etmeýärmi näme?
47 Diňe öz dostlaryňyza salam berýän
bolsaňyz, onda näme artykmaç iş edýär-
siňiz? Butparazlar-da şeýle etmeýärmi
näme? 48 Şeýlelikde, gökdäki Ataňyzyň
kämil bolşy ýaly, siz hem kämil boluň».

## 6-njy bap

### *Sadaka bermek barada*

1 «Habardar boluň, sogap işleriňizi
adamlara görünmek üçin hemmeleriň
gözüniň alnynda etmäň. Beýle etseňiz,
gökdäki Ataňyzdan sylag almarsyňyz.
2 Şonuň üçin hem mätäje sadaka bereni-
ňizde, öňüňizde surnaý çaldyryp, muny
uly ile jar etmäň. Adamlaryň öwgüsini
gazanjak bolup, ikiýüzlüler sinagoga-
larda, köçelerde şeýle edýärler. Size
dogrusyny aýdýaryn: olar eýýäm öz
sylagyny alandyrlar. 3 Siz sadaka bere-
niňizde, sag eliňiziň näme edýänini sol
eliňiz bilmesin. 4 Şunlukda, berýän sada-
kaňyz gizlin bolsun. Gizlinlikde edileni
görýän Ataňyz siziň sylagyňyzy berer [b].

### *Hudaýa doga-dileg etmek hakda*
*(Luka 11:2-4)*

5 Doga-dileg edeniňizde, ikiýüzlüler
ýaly bolmaň. Olar göz üçin sinagogalar-
da, köçeleriň burçlarynda durup, doga
okamagy halaýarlar. Size dogrusyny
aýdýaryn, olar eýýäm öz sylagyny alan-
dyrlar. 6 Emma siz doga-dileg edeniňizde,
otagyňyza girip, gapyny ýapyň-da, gö-
rünmeýän Ataňyza gizlinlikde ediň.
Gizlinlikde edileni görýän Ataňyz siziň
sylagyňyzy berer. 7 Doga-dileg edeniňiz-
de, butparazlar ýaly, boş sözleri gaýtalap
durmaň. Olar köp sözlemek bilen eşidile-
ris öýdýärler. 8 Olar ýaly bolmaň. Ataňyz
size nämeleriň gerekdigini Özünden
dilemänkäňiz bilýär ahyryn. 9 Şonuň
üçin, şeýle doga-dileg ediň:
„Eý, gökdäki Atamyz!
Adyň mukaddes bolsun!
10 Patyşalygyň gelsin!
Gökde bolşy ýaly,
ýerde-de Seniň islegiň amala
aşsyn!

---

[a] **5:44** Käbir golýazmalarda *Özüňize gargaýanlar üçin ýagşylyk diläň, özüňizi ýigren-ýänlere ýagşylyk ediň, özüňizi ynjadýanlar, yzarlaýanlar üçin Hudaýa doga okaň* diýen jümle hem bar.
[b] **6:4** ***Siziň sylagyňyzy berer*** – käbir golýazmalarda *siziň sylagyňyzy aç-açan berer.* 6-njy aýatda hem şeýle.

---

**5:43** Lew 19:18.

11 Gündelik çöregimizi bize şu gün
ber.
12 Bize ýamanlyk edýänleri
bagyşlaýşymyz ýaly,
Sen hem biziň ýazyklarymyzy
bagyşla.
13 Bizi synaga salma, gaýtam bizi
şeýtandan halas et. [a]“
14 Başgalaryň özüňize eden ýazyklaryny
bagyşlasaňyz, gökdäki Ataňyz hem siziň
ýazyklaryňyzy bagyşlar. 15 Emma siz ola-
ryň ýazyklaryny bagyşlamasaňyz, Ataňyz
hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlamaz.

### *Agyz beklemek hakynda*

16 Agyz bekläniňizde ikiýüzlüler ýaly
ýüzüňizi sallamaň. Olar adamlara agyz
bekleýändiklerini görkezjek bolup, özle-
rine timar bermeýärler. Size dogrusyny
aýdýaryn, olar eýýäm öz sylagyny alan-
dyrlar. 17 Emma siz agyz bekläniňizde,
başyňyza ýag guýup, ýüzüňizi ýuwuň.
18 Şonda siziň agyz bekleýändigiňiz
adamlara däl-de, diňe ýaşyryn Ataňy-
za görner. Gizlinlikde edileni görýän
Ataňyz siziň sylagyňyzy berer.

### *Gökdäki hazyna barada*
*(Luka 12:33,34; 11:34-36; 16:13)*

19 Bu dünýäde özüňize hazyna ýyg-
namaň, bu ýerde ony güýe bilen pos
iýýändir, munda ogrular girip ogurla-
ýandyr. 20 Muňa derek özüňize gökde
hazyna ýygnaň, ol ýerde ne güýe, ne
pos iýýändir, ne-de ogrular girip ogur-
laýandyr. 21 Hazynaňyz nirede bolsa,
ýüregiňiz hem şol ýerde bolar.
22 Bedeniň çyrasy gözdür. Gözüň
sagdyn bolsa, tutuş bedeniň hem ýag-
ty bolar. 23 Gözüň şikesli bolsa, tutuş
bedeniň hem garaňky bolar. Eger sen-
däki yşyk garaňky bolsa, onda ol nähili
elhenç garaňkylykdyr!
24 Hiç kim iki hojaýyna hyzmat edip
bilmez. Ol ýa birini ýigrenip, beýlekisini
söýer, ýa-da birine wepaly bolup, beýle-
kisini äsgermezlik eder. Siz hem Hudaýa,
hem baýlyga hyzmat edip bilmersiňiz.

### *Gaýgy etmäň*
*(Luka 12:22-31)*

25 Şoňa görä size diýýärin: näme
iýip-içerin diýip janyňyzy, näme geýe-
rin diýip bedeniňizi gaýgy etmäň. Jan
iýmitden, beden egin-eşikden gymmatly
dälmidir? 26 Guşlara serediň, olar ne ek-
ýärler, ne orýarlar, ne-de ammarlarda
iýmit toplaýarlar. Muňa garamazdan,
gökdäki Ataňyz olary-da iýmitlendirýär.
Siz olardan has gymmatly dälmisiňiz?
27 Siziň haýsy biriňiz gaýgy edip, öm-
rüňizi bir sagat uzaldyp bilýärsiňiz?
28 Näme üçin egin-eşigiň aladasyny ed-
ýärsiňiz? Meýdandaky liliýalaryň nähili
ösüşine serediň: olar ne zähmet çekýärler,
ne-de ýüp egirýärler. 29 Emma Men size
diýýärin, hatda Süleýman hem özüniň
bütin şan-şöhratynda bularyň hiç biri
ýaly geýinmändi. 30 Emma bu gün bar
bolup, ertir ojaga taşlanýan meýdan
otuny Hudaý şeýle geýindirýän bolsa,
sizi ondan has artyk geýindirmezmi,
eý, imany azlar? 31 Şonuň üçin näme
iýip-içeris, näme geýeris diýip alada
etmäň. 32 Bu zatlaryň baryny butparaz-
lar agtarýarlar, ýöne gökdäki Ataňyz
bularyň ählisiniň size gerekdigini bilýär.
33 Siz bolsa öňürti Hudaýyň Şalygyny
we Onuň dogrulygyny agtaryň, şonda
bu zatlar hem size onuň üstüne goşulyp

---

[a] **6:13** Käbir golýazmalarda *Çünki patyşalyk, gudrat we şöhrat ebedilik Seniňkidir. Omyn!* diýen jümle hem bar.

berler. 34 Şonuň üçin ertiri gaýgy etmäň,
ertir öz gaýgysyny özi eder. Her günüň
derdi özüne ýeterlikdir».

## 7-nji bap

### *Başgalary ýazgarmaň*
*(Luka 6:37,38,41,42)*

1-2 «Başgalary ýazgarmaň, ýogsam siz
hem ýazgarylarsyňyz, sebäbi siz nähili
ýazgarsaňyz, özüňiz-de şeýle ýazgary-
larsyňyz. Haýsy ölçeg bilen ölçeseňiz,
size-de şol ölçeg bilen ölçeler.
3 Näme üçin sen doganyňyň gözündäki
çöpi görýärsiň-de, öz gözüňdäki agajy
saýgarmaýarsyň? 4 Nädip sen öz gözüňde
agaç barka, doganyňa: „Gel, gözüňdäki
çöpi çykaraýyn“ diýjek? 5 Eý, ikiýüzli,
ilki öz gözüňdäki agajy çykar, şonda
doganyňyň gözündäki çöpi çykarmak
üçin oňat saýgararsyň.
6 Mukaddes zady itlere bermäň. Dür-
leriňizi doňuzlaryň öňüne taşlamaň.
Ýogsam olary aýaklary bilen depeläp,
soňra özüňizi parçalaýmasynlar.

### *Hudaýdan diläň*
*(Luka 11:9-13)*

7 Diläň, size berler; agtaryň, tapar-
syňyz; gapyny kakyň, size açylar.
8 Elbetde, dilän alar, agtaran tapar, gapy
kakana açylar. 9 Siziň haýsy biriňiz oglu-
ňyz çörek dilände, oňa daş berer? 10 Ýa-da
balyk dilände, ýylan berer? 11 Şeýlelikde,
siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat
peşgeşler bermegi bilýän bolsaňyz, onda
gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere
has-da köp ajaýyp peşgeşler bermezmi?
12 Şonuň üçin adamlaryň özüňize näme
etmegini isleýän bolsaňyz, siz-de olara
şeýle ediň, sebäbi Musanyň kanuny bi-
len pygamberleriň ýazgylary-da şunda
jemlenýär.

### *Hudaýyň ýoly dar gapydyr*
*(Luka 13:24)*

13 Dar gapydan giriň, sebäbi heläkçilige
eltýän gapy inlidir we onuň ýoly giňdir.
Bu ýoldan girýänler köpdür. 14 Emma
ýaşaýşa eltýän gapy insizdir, ýoly dar-
dyr. Bu ýoly tapýanlar azdyr.

### *Agaç we onuň miwesi*
*(Luka 6:43,44; 13:25-27)*

15 Galp pygamberlerden ägä boluň!
Olar siziň ýanyňyza goýun derisine gi-
rip gelerler, emma özleri welin ýyrtyjy
möjeklerdir. 16 Siz olary miwelerinden
tanarsyňyz. Tikenden üzüm ýa-da
ýandakdan injir ýygylýarmy? 17 Şonuň
ýaly-da her bir oňat agaç oňat miwe
berýändir, erbet agaç bolsa erbet miwe
berýändir. 18 Oňat agaç erbet miwe, erbet
agaç-da oňat miwe berip bilmez. 19 Oňat
miwe bermeýän her bir agaç çapylyp,
oda taşlanýandyr. 20 Şeýlelik bilen, galp
pygamberleri miwelerinden tanarsyňyz.
21 Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb“ diýen her
bir adam Gögüň Şalygyna girmez, diňe
gökdäki Atamyň islegini berjaý eden
oňa girer. 22 Şol gün köpler Maňa: „Ýa
Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen py-
gamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen
arwah-jynlary kowup, köp gudratlar
görkezmedikmi?“ diýerler. 23 Şonda Men
olara: „Eý, ýamanlyk edýänler, Men si-
zi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!“
diýip, açyk aýdaryn.

### *Iki bina*
*(Luka 6:47-49)*

24 Şonuň üçin hem bu sözlerimi eşidip,
olary berjaý edýän her bir adam öýüni
gaýanyň üstünde guran akylly adama
meňzeýär. 25 Ýagyş ýagyp, siller geldi,
ýeller öwsüp, ol öýe urdy, emma öý

ýykylmady, sebäbi ol gaýanyň üstünde
gurlupdy. 26 Meniň bu sözlerimi eşidip,
olary berjaý etmedik her bir kişi öýüni
çägäniň üstünde guran akmak adam ýa-
lydyr. 27 Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýeller
öwsüp, ol öýe urdy. Öý ýykylyp, bü-
tinleý wes-weýran boldy». 28 Isa bulary
gürrüň berip gutaranda, mähelle Onuň
taglymatyna haýran galdy, 29 sebäbi Isa
olara Töwrat mugallymlary ýaly däl-de,
erk-ygtyýarly biri ýaly öwredýärdi.

## 8-nji bap

### *Isa deri kesellini sagaldýar*
*(Mark 1:40-45; Luka 5:12-16)*

1 Isa dagdan aşak inende, uly mähelle
Onuň yzyna düşdi. 2 Şol wagt deri ke-
seline ýolugan bir adam Onuň ýanyna
gelip, dyzyna çöküp: «Agam, eger isle-
seň, meni bu keselden tämizläp bilersiň»
diýdi. 3 Isa elini uzatdy-da, oňa degrip:
«Isleýärin, tämiz bol!» diýdi. Ol adam
şobada deri keselinden gutuldy. 4 Soňra
Isa oňa: «Ägä bol, muny hiç kime aýt-
magyn. Ýöne git-de, ruhana görün we
deri keselinden saplanandygyňy hem-
melere subut eder ýaly, Musanyň buýran
sadakasyny ber» diýdi.

### *Ýüzbaşynyň imany*
*(Luka 7:1-10)*

5 Isa Kapernauma girende, bir ýüzba-
şy Onuň ýanyna gelip: 6 «Agam, meniň
hyzmatkärim öýde agyr ýatyr. Çekýän
jebrinden ýaňa gozganyp-da bilenok» di-
ýip ýalbardy. 7 Isa oňa: «Men baryp, ony
sagaldaryn» diýdi. 8 Ýüzbaşy Isa şeýle
jogap berdi: «Agam, Seniň öýüme gel-
megiňe men mynasyp däl. Diňe birje söz
aýtsaň bes, meniň hyzmatkärim sagalar.
9 Men hem buýruk astyndaky adam-
dyryn, ygtyýarymda esgerlerim bar.
Birisine „Git“ diýsem gidýär, başgasyna
„Gel“ diýsem gelýär. Hyzmatkärime „Şu-
ny et!“ diýsem edýär». 10 Isa bu sözleri
eşidip haýran galdy. Ol yzyna düşüp
gelýänlere: «Size dogrusyny aýdýaryn,
Men hatda Ysraýylda hem şeýle imany
bar adamy tapmadym. 11 Size şuny-da
aýdýaryn: gündogardan we günbatardan
köp adamlar gelip, Ybraýym, Yshak,
Ýakup bilen bile Gögüň Şalygynda bir
saçagyň başynda oturarlar. 12 Emma
Şalygyň mirasdüşeri bellenenler daşary,
garaňkylyga taşlanar. Ol ýerde agy we
diş gyjama bolar» diýdi. 13 Isa ýüzbaşa:
«Bar, gidiber, goý, saňa imanyňa görä
bolsun!» diýdi. Onuň hyzmatkäri şol
sagadyň özünde sagaldy.

### *Isa köp hassalary sagaldýar*
*(Mark 1:29-34; Luka 4:38-41)*

14 Isa Petrusyň öýüne geldi. Ol Petrusyň
gaýynenesini gyzzyrma tutup ýatanyny
gördi. 15 Isa aýalyň elinden tutan badyna,
onuň gyzzyrmasy aýryldy. Aýal ýerinden
turup, Isa hyzmat etmäge başlady.

16 Şol gün agşam Isanyň ýanyna ar-
wah-jyn eýelän adamlary getirdiler. Ol
hem bir söz bilen olardaky erbet ruhlary
çykardy, şeýle-de hassalaryň hemmesini
sagaltdy. 17 Şunlukda, Işaýa pygamberiň
üsti bilen aýdylan şu sözler berjaý boldy:

«Ol biziň hassalygymyzy Öz
üstüne aldy,
biziň dertlerimizi çekdi».

### *Isanyň yzyna eýermek*
*(Luka 9:57-62)*

18 Isa daşyna üýşen köpsanly mähel-
läni görüp, şägirtlerine kölüň beýleki

**8:17** Işa 53:4.

tarapyna geçmegi buýurdy. 19 Şonda
Töwrat mugallymlaryň biri gelip: «Mu-
gallym, Sen nirä gitseň, men hem Seniň
yzyňa düşjek» diýdi. 20 Isa oňa: «Tilkile-
riň süreni, guşlaryň höwürtgesi bardyr,
ýöne Ynsan Oglunyň başyny goýara-da
ýeri ýokdur» diýip jogap berdi.

21 Onuň başga bir şägirdi: «Agam, rug-
sat et, öňürti gidip, kakamy jaýlaýyn»
diýdi. 22 Emma Isa oňa: «Meniň yzyma
düş, goý, ölülerini ölüleriň özleri jaýla-
bersinler» diýdi.

### *Isa tupany ýatyrýar*
*(Mark 4:35-41; Luka 8:22-25)*

23 Isa gaýyga münende, şägirtleri hem
Onuň yzyna düşdüler. 24 Kölde birdenkä
güýçli gaý turdy we gaýyk tolkunlara
büreldi. Emma Isa uklap ýatyrdy. 25 Şä-
girtleri Ony oýaryp: «Agam, bizi halas
et! Biz heläk bolup barýarys!» diýdiler.
26 Isa olara: «Nämä gorkýarsyňyz, eý,
imany azlar?!» diýdi. Soňra Ol ýerinden
turup, ýele we köle käýedi welin, ol ýere
doly ümsümlik aralaşdy. 27 Olar haýran
galyp: «Bu nähili Adamka, hatda ýel bi-
len köl-de Oňa gulak asýar?» diýişdiler.

### *Isa arwah-jynlary çykarýar*
*(Mark 5:1-20; Luka 8:26-39)*

28 Isa kölüň beýleki kenaryndaky gada-
ralylaryň [a] ýurduna geldi. Ol ýerde Oňa
arwah-jyn eýelän iki sany adam duş geldi.
Olar gonamçylykdan çykyp gelýärdiler.
Olaryň juda wagşydyklary üçin, ol ýer-
den hiç kim geçip bilmeýärdi. 29 Birdenkä
olar: «Eý, Hudaýyň Ogly! Seniň biziň
bilen näme işiň bar? Bizi wagtyndan öň
gynamaga geldiňmi?» diýip gygyryşyp
başladylar. 30 Şol wagt olardan uzagrak-
da ullakan bir doňuz sürüsi otlap ýördi.
31 Arwah-jynlar Isa ýalbaryp: «Eger bizi
kowup çykarmakçy bolsaň, onda bizi
doňuz sürüsine iber» diýdiler. 32 Isa olara:
«Baryň!» diýdi. Şeýdip, olar adamlardan
çykyp, doňuzlaryň içine girdiler. Şonda
tutuş doňuz sürüsi uçutdan aşak zyňyp,
kölde paýyrdaşyp gark boldy. 33 Çopanlar
gaçyp, şähere gitdiler. Olar arwah-jyn
eýelän adamlara näme bolandygy bara-
daky wakalaryň hemmesini halka gürrüň
berdiler. 34 Onsoň şäheriň tutuş ilaty Isa
bilen duşuşmaga geldi. Ony görenlerinde,
özleriniň şäherinden gitmegini sorap, Isa
ýalbardylar.

## 9-njy bap

### *Isa ysmazy sagaldýar*
*(Mark 2:1-12; Luka 5:17-26)*

1 Onsoň Isa gaýyga mündi-de, beýleki
kenara geçip, Öz şäherine geldi. 2 Birnäçe
adam Onuň ýanyna düşekde ýatan bir ys-
mazy getirdi. Isa olaryň imanyny görende,
ysmaza: «Oglum, dogumly bol, seniň gü-
näleriň ötüldi» diýdi. 3 Şonda käbir Töwrat
mugallymlary içinden: «Bu adam Hudaýa
dil ýetirýär» diýdiler. 4 Emma Isa olaryň
pikirlerini bilip: «Näme üçin göwnüňize
erbet pikirler getirýärsiňiz? 5 Haýsyny aýt-
mak aňsat: „Günäleriň ötüldi“ diýmekmi
ýa-da: „Tur-da, ýöre“ diýmek? 6 Emma
siz Ynsan Oglunyň ýer ýüzünde günäleri
ötmäge-de ygtyýarynyň bardygyny bilip
goýuň» diýdi. Onsoň Ol ysmaza: «Saňa
diýýärin, tur, düşegiňi al-da, öýüňe gaýt»
diýdi. 7 Ol hem ýerinden turdy-da, öýüne
gitdi. 8 Muny gören mähelläni gorky gap-
lap aldy [b]. Olar ynsanlara şeýle ygtyýary
beren Hudaýy şöhratlandyrdylar.

---

[a] **8:28** ***Gadaralylar*** – käbir golýazmalarda *gerasalylar.* Seret: Luk 8:26; Mar 5:1.
[b] **9:8** ***Gorky gaplap aldy*** – käbir golýazmalarda *haýran galdy.*

### *Matta şägirtlere goşulýar*
*(Mark 2:13-17; Luka 5:27-32)*

9 Isa şol ýerden geçip barýarka, salgyt
ýygnap oturan Mattany görüp, oňa:
«Meniň yzyma düş!» diýdi. Ol hem
turup, Onuň yzyna düşdi. 10 Isa Mat-
tanyň öýünde saçak başynda otyrka,
köp salgytçylar, günäkärler gelip, Isa
we Onuň şägirtleri bilen bile iýip-iç-
diler. 11 Fariseýler muny görüp, Onuň
şägirtlerinden: «Näme üçin siziň Mu-
gallymyňyz salgytçylardyr günäkärler
bilen bile nahar iýýär?» diýip soradylar.
12 Isa muny eşidip: «Lukman saglara
däl-de, hassalara gerekdir. 13 Ýöne siz
gidiň-de, „Men gurbanlyk däl-de, re-
him-şepagat isleýärin“ diýen sözüň
manysyny öwreniň, sebäbi Men dog-
rulary däl-de, günäkärleri çagyrmaga
geldim» diýdi.

### *Agyz beklemek barada sorag*
*(Mark 2:18-22; Luka 5:33-39)*

14 Onsoň Ýahýanyň şägirtleri Isanyň
ýanyna gelip: «Näme üçin biz we fariseý-
ler agyz bekleýäris-de, Seniň şägirtleriň
agyz beklänoklar?» diýip soradylar. 15 Isa
olara: «Giýew ýanlaryndaka, heý-de,
toýuň myhmanlary ýas tutarmy? Emma
giýewiň olardan alynjak günleri geler,
şonda olar agyz beklärler. 16 Hiç kim
köne eşige täze matadan ýama salmaz,
sebäbi salnan ýama köne eşikden gopup,
ýyrtyk ýeri has beter bolar. 17 Hiç kim
täze şeraby köne meşiklere guýmaz.
Beýtse, meşikler ýarylyp, şerap döküler
we meşikler hem zaýalanar. Täze şerap
täze meşiklere guýulýandyr, şeýdip,
ikisi hem abat saklanýandyr» diýip jo-
gap berdi.

### *Direlen gyz, sagalan aýal*
*(Mark 5:21-43; Luka 8:40-56)*

18 Isa olara bu zatlary aýdyp durka, bir
ýolbaşçy gelip, Onuň aýagyna ýykyldy.
Ol: «Meniň gyzym ýaňyja öldi, emma
Sen gelip, eliňi onuň üstünde goýsaň,
ol direler» diýdi. 19 Isa turup, şägirtleri
bilen bile ol adamyň yzyna düşüp gitdi.
20 Şol wagt on iki ýyldan bäri gan akma
keselinden ejir çekýän bir aýal Isanyň
arka tarapyndan gelip, Onuň donunyň
syýyna elini degirdi. 21 Ol içinden: «Diňe
geýimine elimi degirsem-de sagalaryn»
diýýärdi.
22 Isa öwrülip, ony gördi-de: «Eý, naçar,
dogumly bol, imanyň saňa şypa berdi»
diýdi. Aýal şol pursadyň özünde sagaldy.
23 Isa ýolbaşçynyň öýüne gelende, ýas
tüýdükçilerini, ala-galmagal edişip du-
ran mähelläni gördi. 24 Olara: «Aýrylyň,
gyz ölenok, diňe uklap ýatyr» diýdi.
Olar Isanyň üstünden güldüler. 25 Mä-
helle daşary çykarylandan soň, Isa içeri
girip, gyzyň elinden tutdy, gyz hem
aýaga galdy. 26 Bu habar ol etrabyň ähli
ýerine ýaýrady.

### *Iki kör bilen bir lal sagaldylýar*

27 Isa ol ýerden gelýärkä, iki sany kör
adam Onuň yzyna düşüp: «Eý, Dawut
Ogly! Bize rehim et!» diýip gygyrdylar.
28 Isa öýe girende, körler Onuň ýanyna
geldiler. Isa olardan: «Meniň bu işi ba-
şarjagyma ynanýarsyňyzmy?» diýip
sorady. Olar hem Oňa: «Hawa, Agam»
diýip jogap berdiler. 29 Şonda Isa olaryň
gözlerine elini degrip: «Size imanyňy-
za görä bolsun!» diýdi welin, 30 şobada
olaryň gözleri açyldy. Isa: «Ägä boluň,
muny hiç kim bilmesin» diýip, olara

**9:13** Hoş 6:6.

berk tabşyrdy. 31 Emma olar çykan batla-
ryna, Isanyň at-owazasyny tutuş etraba
ýaýratdylar.
32 Olar gidenden soňra Isanyň ýanyna
arwah-jyn eýelän bir lal adamy getir-
diler. 33 Arwah-jyn kowlandan soň, lal
adam geplemäge başlady. Halk muňa
haýran galyp: «Ysraýylda hiç haçan
beýle zat görlen däldir» diýişdi. 34 Emma
fariseýler: «Ol arwah-jynlary jynlaryň
hökümdary arkaly kowup çykarýar»
diýişdiler.

### *Hasyl bol, işgär az*

35 Isa şäherlerdir obalaryň baryny aý-
lanyp, ol ýerdäki sinagogalarda sapak
berýärdi. Şalyk hakdaky Hoş Habary
wagyz edip, her hili kesellere we dert-
lere şypa berýärdi. 36 Isa uly mähelläni
görüp, olara haýpy geldi, sebäbi olar
çopansyz goýunlar ýaly dagynyk we
tapdan düşendiler. 37 Şonda Isa şägirtle-
rine: «Hasyl bol, ýöne işgär az. 38 Şonuň
üçin hem hasylyny ýygmaga işgär iberer
ýaly, hasyl eýesi Rebbe ýalbaryň» diýdi.

## 10-njy bap

### *Isa on iki şägirdini saýlaýar*
*(Mark 3:13-19; Luka 6:12-16)*

1 Isa on iki şägirdini ýanyna çagyryp,
olara arwah-jynlary kowmaga, her hili
kesellere we dertlere şypa bermäge yg-
tyýar berdi. 2-4 Şol on iki resulyň atlary
şulardyr: birinjisi Petrus lakamly Simun
we onuň dogany Andrys, Zebedeýiň
ogullary Ýakup bilen Ýohanna, Filip,
Bartolomeý, Tomas, salgytçy Matta,
Alfeýiň ogly Ýakup, Taddeý [a], watan-
çy Simun, Isa haýynlyk eden Ýudas
Iskariýot.

### *Isa Onkileri halkyň arasyna ýollaýar*

5 Isa bu Onkilere şeýle buýruk berip,
olary halkyň arasyna ýollady: «Keseki
milletleriň arasyna gitmäň, samariýa-
lylaryň hiç bir şäherine girmäň. 6 Muňa
derek azaşan goýunlara meňzeýän ys-
raýyl halkynyň arasyna baryň. 7 Baran
ýeriňizde Gögüň Şalygynyň golaýlandy-
gyny wagyz ediň. 8 Hassalary sagaldyň,
deri kesellileri tämizläň, ölüleri direldiň,
arwah-jynlary çykaryň. Mugt aldyňyz,
mugt beriň. 9 Guşagyňyzda altyn, kümüş,
mis, hiç bir pul bolmasyn. 10 Ýol üçin
ýanyňyza torba-da, artykmaç eşik-de,
çaryk-da, hasa-da almaň, çünki işçi öz
nesibesine mynasypdyr. 11 Haýsy şähere
ýa-da oba barsaňyz, ol ýerde özüňize
mynasyp adamy gözläp tapyp, gaýdýan-
çaňyz şol ýerde boluň. 12 Öýe gireniňizde,
öýdäkilere sag-salamatlyk diläp, salam
beriň. 13 Öýdäkiler muňa mynasyp bolsa-
lar, dilän salamatlygyňyz olaryň üstüne
iner, emma mynasyp bolmasalar, bu
özüňize öwrülip geler. 14 Kim sizi kabul
etmese, sözleriňizi diňlemese, ol öý-
den ýa-da şäherden çykyp barýarkaňyz,
aýaklaryňyzyň tozuny kakyň. 15 Size
dogrusyny aýdýaryn: kyýamat güni ol
şäheriň ýagdaýy Sodom bilen Gomora
şäherleriniň ýagdaýyndan has beter bolar.

### *Geljek muşakgatlar*
*(Mark 13:9-13; Luka 21:12-17)*

16 Ine, Men sizi möjekleriň arasyna
goýunlar kimin ýollaýaryn. Şonuň üçin
ýylan ýaly akylly, kepderi kimin sada
boluň. 17 Adamlardan ägä boluň! Olar sizi
ýerli kazyýete tabşyrarlar, sinagogalaryn-
da gamçylap ýenjerler. 18 Men sebäpli sizi
hökümdarlaryň, patyşalaryň huzuryna

[a] **10:2-4** Käbir golýazmalarda *Taddeý lakamly Lewi.*

elterler, siz bolsa olaryň we keseki millet-
leriň öňünde şaýatlyk edersiňiz. [19]Ýöne
olar sizi eltip tabşyranlarynda, siz näme
ýa-da nädip aýtjakdygyňyzy gaýgy etmäň.
Size näme aýtmalydygyňyz şol wag-
tyň özünde berler. [20]Şonda siziň özüňiz
däl-de, siz arkaly Ataňyzyň Ruhy geplär.

[21]Dogan doganyny, ata çagasyny ölü-
me tabşyrar. Çagalar hem ene-atalaryna
garşy çykyp, olary öldürderler. [22]Men
sebäpli hemmeler sizi ýigrener, emma
soňuna çenli çydan halas bolar. [23]Sizi bir
şäherde yzarlasalar, beýlekisine gaçyň.
Size dogrusyny aýdýaryn, Ynsan Ogly
gelýänçä, siz Ysraýylyň ähli şäherlerine
aýlanyp çykyp bilmersiňiz.

[24]Şägirt öz halypasyndan, gul öz ho-
jaýynyndan üstün däldir. [25]Şägirdiň öz
halypasy ýaly, guluň öz hojaýyny ýaly
bolmagy ýeterlikdir. Eger öý eýesine
Beýelzebul[a] diýýän bolsalar, onda onuň
içerisindäkilere ondan hem beter zat
diýmezlermi?!

### *Kimden gorkmaly?*
*(Luka 12:2-7)*

[26]Şonuň üçin hiç kimden gorkmaň.
Ýapyk bolup, üsti açylmajak, gizlin bolup,
bilinmejek zat ýokdur. [27]Garaňkylykda
size näme aýtsam, şony ýagtylykda aý-
dyň. Gulagyňyza pyşyrdanymy üçekden
yglan ediň. [28]Bedeni öldürip, jany öldü-
rip bilmeýänlerden gorkmaň. Gowusy,
bedeni hem, jany hem dowzahda ýok
etmäge güýji ýetýän Hudaýdan gorkuň.
[29]Iki serçe bir teňňä satylmaýarmy?
Muňa garamazdan, Ataňyzdan rugsat-
syz olaryň biri-de ýere gaçýan däldir.
[30]Siziň başyňyzdaky saçyňyz hem doly
sanalgydyr. [31]Şunlukda, gorkmaň, siz
serçelerden has gymmatlysyňyz.

[32]Kim Meni ynsanlaryň öňünde ykrar
etse, Men hem ony gökdäki Atamyň
öňünde ykrar ederin. [33]Kim Meni adam-
laryň öňünde ret etse, Men hem ony
gökdäki Atamyň öňünde ret ederin.

### *Parahatlyk däl-de, gylyç getirdim*
*(Luka 12:8,9,51-53; 14:26,27)*

[34]Meni ýer ýüzüne parahatlyk getir-
mäge gelendir öýtmäň. Men parahatlyk
däl-de, gylyç getirmäge geldim. [35]Men
ogly atasyndan, gyzy enesinden, gel-
ni gaýynenesinden aýyrmaga geldim.
[36]Adamyň duşmany öz içerisindäkiler
bolar. [37]Atasyny, enesini Menden artyk
söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gy-
zyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp
däldir. [38]Öz haçyny alyp, Meniň yzyma
düşmedik hem Maňa mynasyp däldir.
[39]Janyny aýan ony ýitirer. Meniň ugrumda
janyny ýitiren ony gorar. [40]Sizi kabul eden
Meni kabul eder, Meni kabul eden hem
Meni Ibereni kabul eder. [41]Kim birini py-
gamberdigi üçin kabul etse, pygamberiň
sylagyny alar. Bir dogry adamy dogrulygy
üçin kabul eden dogry adamyň sylagyny
alar. [42]Kim Meniň şägirdimiň hormaty
üçin, bu pes saýylýanlaryň birine diňe bir
käse sowuk suw berse-de, size dogrusyny
aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz».

## 11-nji bap

### *Isa we Ýahýa*
*(Luka 7:18-35)*

[1]Isa on iki şägirdine öwüt-nesihat
berip gutarandan soň, ol ýerden çy-

[a] **10:25** ***Beýelzebul*** – şeýtanyň başga ady. Sözlüge seret.

**10:35-36** Mik 7:6.

kyp, golaýdaky şäherlerde öwretmäge
we wagyz etmäge gitdi. 2 Ýahýa hem
tussaglykdaka, Mesihiň eden işleri ba-
rada eşidip, Onuň ýanyna şägirtlerini [a]
iberdi: 3 «Şol gelmeli Mesih Senmi ýa-
da biz başga birine garaşmalymy?»
diýip soratdy. 4 Isa olara: «Baryň-da,
görüp-eşidenleriňizi Ýahýa habar beriň.
5 Körler görýär, agsaklar ylgaýar, deri
keselliler tämizlenýär, kerler eşidýär,
ölüler direlýär, garyplara Hoş Habar
wagyz edilýär. 6 Menden ýüz dönder-
medik adam bagtlydyr» diýip jogap
berdi.

7 Ýahýanyň şägirtleri giden wagty,
Isa mähellä Ýahýa barada gürrüň ber-
mäge başlady: «Çöle näme görmäge
gitdiňiz? Şemala yranýan ýylgynymy?
8 Ýeri, näme görmäge gitdiňiz? Nepis
eşikler geýnen bir adamymy? Emma
nepis eşikler geýnenler patyşalaryň
köşklerindedir. 9 Onda näme görmä-
ge gitdiňiz? Bir pygamberimi? Hawa,
Men size şuny aýdýaryn, ol gören ki-
şiňiz hatda pygamberden hem artykdyr.
10 „Öňüňden ýol taýýarlar ýaly, ine, Men
Öz wekilimi iberýärin“ diýip ýazylan
sözler hem hut şoňa degişlidir. 11 Size
dogrusyny aýdýaryn, aýaldan doglan-
laryň arasynda çümdüriji Ýahýadan
beýigi ýokdur, emma Gögüň Şalygynda
iň kiçisi hem ondan beýikdir. 12 Çümdü-
riji Ýahýanyň günlerinden tä şu wagta
çenli Gögüň Şalygyna rehimsiz hüjüm
edilýär we wagşy adamlar ony ele sal-
ýarlar. 13 Ýahýa çenli ähli pygamberler
we Töwrady bu hakda pygamberlik etdi.
14 Eger Ýahýany kabul etmek isleýän
bolsaňyz, gelmegine garaşylýan Ylýas
oldur. 15 Eşitmäge gulagy bar adam eşit-
sin! 16-17 Men bu nesli kime meňzedeýin?
Olar bazarlarda oturyp, başgalara: „Si-
ze tüýdük çaldyk, tans etmediňiz; agy
aýtdyk, aglamadyňyz“ diýip gygyrýan
çagalara meňzeýärler. 18 Ýahýa geldi, ol
iýenogam, içenogam. Olar bolsa oňa
„jynly“ diýýärler. 19 Ynsan Ogly geldi,
Ol iýýärem, içýärem, olar Oňa: „Ine,
bu horana, arakhora serediň! Ol salgyt-
çylar we günäkärler bilen dost boldy!“
diýýärler. Emma danalyk öz amallary
bilen tassyklanar».

### *Toba etmedik şäherler*
*(Luka 10:13-15)*

20 Isa käbir şäherlerde köp gudratlar
görkezse-de, olaryň halky günälerine
toba etmändiler. Şonuň üçin Isa olary
ýazgarmaga başlady: 21 «Dat günüňe,
eý, Horazin! Dat günüňe, eý, Betsaýda!
Sizde görkezilen gudratlar Sur bilen
Sidonda görkezilen bolsady, onda olar
bireýýäm jul geýnip, kül üstünde oturyp
toba ederdiler. 22 Emma Men size diýýä-
rin: kyýamat güni siziň ýagdaýyňyz Sur
bilen Sidonyň ýagdaýyndan has beter
bolar! 23 Eý, Kapernaum! Sen arşa göte-
rilerin öýdýärsiňmi? [b] Ýok, sen dowzaha
taşlanarsyň, sebäbi sende görkezilen
gudratlar Sodomda görkezilen bolsady,
onda ol şu güne çenli saklanyp galardy.
24 Emma Men saňa şuny diýýärin: ky-
ýamat güni seniň ýagdaýyň Sodomyň
ýagdaýyndan has beter bolar».

[a] **11:2** ***Şägirtlerini*** – käbir golýazmalarda *şägirtleriniň ikisini.*
[b] **11:23** ***Eý, Kapernaum! Sen arşa göterilerin öýdýärsiňmi?*** – bu jümle käbir golýazma-
larda *Eý, arşa göterilen Kapernaum!* diýip duş gelýär.

**11:10** Mal 3:1.

### *Argynlary çagyryş*
*(Luka 10:21,22)*

25 Şol wagt Isa sözüni dowam edip,
şeýle diýdi: «Eý, Atam, ýeriň we gögüň
Hökümdary! Bu zatlary akyldarlardan,
düşünjelilerden ýaşyryp, çagalara aýan
edeniň üçin Saňa şükür edýärin! 26 Hawa,
Atam, bu Seniň islegiňdi.
27 Atam ähli zady Maňa tabşyrdy. Og-
ly Atadan başga hiç kim tanaýan däldir.
Atany-da Oguldan we Ogluň Ony aýan
etmek isleýän adamlaryndan başga hiç
kim tanaýan däldir. 28 Eý, argynlar, agyr
ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size
dynçlyk bereýin. 29 Meniň boýuntyrygy-
my dakynyň-da, Menden öwreniň. Men
mylaýym hem pes göwünlidirin, janyňyz
rahatlyk tapar. 30 Meniň boýuntyrygym
ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir».

## 12-nji bap

### *Sabat güni barada sorag*
*(Mark 2:23-28; Luka 6:1-5)*

1 Aradan köp wagt geçmänkä, bir Sabat
güni Isa bugdaýlygyň arasyndan geçip
barýardy. Onuň şägirtleri ajygyp, bug-
daý başlaryny ýolup iýmäge başladylar.
2 Muny gören fariseýler Oňa: «Seret,
Seniň şägirtleriň Sabat güni gadagan
işi edýärler» diýdiler. 3 Isa olara şeýle
jogap berdi: «Dawut bilen ýanynda-
kylar aç galanlarynda, siz Dawudyň
näme edendigini okamadyňyzmy? 4 Ol
Hudaýyň öýüne girip, Hödür çöreklerini
iýdi, ýanyndakylar hem iýdiler. Bu olar
üçin gadagandy, diňe ruhanylara rug-
sat berlendi. 5 Eýsem, siz ybadathanada
Sabat gününiň kadalaryny bozsalar-da,
ruhanylaryň günäsiz saýylandygyny
Töwratda okamadyňyzmy? 6 Men size
şuny aýdaýyn: bu ýerde ybadathanadan-
da beýik Biri bar. 7 Siz: „Men gurbanlyk
däl-de, rehim-şepagat isleýärin“ diýen
sözüň manysyny bilsediňiz, günäsizleri
höküm etmezdiňiz. 8 Çünki Ynsan Ogly
hatda Sabat gününiň-de hökümdarydyr».

### *Eli şel açan adam*
*(Mark 3:1-6; Luka 6:6-11)*

9 Isa ol ýerden gitdi we olaryň sinagoga-
syna geldi. 10 Ol ýerde eli şel açan bir adam
bardy. Isany aýyplajak bolup, Ondan:
«Kanun boýunça Sabat güni hassa şypa
bermek bolýarmy?» diýip soradylar. 11 Isa
olara: «Eger bir goýnuňyz bolup, ol-da
Sabat güni çukura gaçsa, haýsyňyz ony
çykaryp almarsyňyz? 12 Ynsan goýundan
has gymmatlydyr! Şonuň üçin Sabat güni
ýagşylyk etmek bolýar» diýip jogap berdi.
13 Onsoň Isa ýaňky adama: «Eliňi
uzat!» diýdi. Ol uzadan badyna, onuň
näsag eli edil beýleki eli ýaly sagaldy.
14 Fariseýler daşary çykyp, Isany nädip
ýok etmelidigi barada maslahatlaşdylar.

### *Rebbiň bendesi*

15 Emma Isa fariseýleriň bu niýetini
bilip, ol ýerden gitdi. Köp adamlar Onuň
yzyna düşdüler, Isa hem olaryň ara-
syndaky hassalary sagaltdy. 16 Isa olara
Özüniň kimdigini hiç kime aýtmazlygy
tabşyrdy. 17 Bu Işaýa pygamber arkaly
aýdylan şu sözüň berjaý bolmagy üçindi:
18 «Ine, Meniň saýlan Bendäm,
göwnühoş bolup, Ony söýenim;
Ruhumy Onuň üstüne goýaryn,
Ol milletlere adalaty yglan eder.
19 Ol dawalaşmaz, sesini gataltmaz,
köçelerde hiç kim Onuň sesini
eşitmez.

**12:3** 1Şam 21:1-6. **12:5** Çöl 28:9-10. **12:7** Hoş 6:6. **12:18-21** Işa 42:1-4.

[20] Adalaty ýeňşe ýetirýänçä,
ýenjilen gamşy döwmez,
tüteýän peltäni söndürmez.
[21] Ähli milletler Onuň adyna umyt
baglarlar».

### *Isa we Beýelzebul*
*(Mark 3:20-30; Luka 11:14-23)*

[22] Onsoň Isanyň ýanyna arwah-jyn eýe-
län kör hem lal adamy getirdiler. Isa ony
sagaldansoň, ýaňky adam geplemäge we
görmäge başlady. [23] Tutuş halk haýran
galyp: «Bu Dawudyň ogly dälmikä?» di-
ýişdi. [24] Muny eşiden fariseýler: «Bu adam
arwah-jynlary jynlaryň hökümdary Be-
ýelzebul arkaly kowup çykarýar» diýdiler.
[25] Emma Isa olaryň pikirlerini bilip, şeýle
diýdi: «Içinde bölünişik bolan patyşalyk
dargar, öz içinden bölünen şäher ýa-da
öý berk durup bilmez. [26] Şeýtan şeýtany
kowýan bolsa, onda içinde bölünişik bar-
dyr, onsoň onuň patyşalygy nähili durar?
[27] Eger Men arwah-jynlary Beýelzebul
arkaly kowýan bolsam, onda siziň adam-
laryňyz olary kim arkaly kowýarlar? Şu
sebäpli sizi öz adamlaryňyz höküm eder.
[28] Men arwah-jynlary Hudaýyň Ruhy
arkaly kowýan bolsam, onda Hudaýyň
Şalygy size-de gelendir. [29] Kim güýçli
adamyň öýüne girip, malyny talap biler?
Ilki ony daňmaly bolar, onsoň öýüni talar.
[30] Meniň bilen bolmadyk Maňa garşy-
dyr, Meniň bilen sürini toplamadyk ony
dargadýandyr. [31] Şonuň üçin size şuny
diýýärin: ynsanlaryň her bir günäsi, her
bir zada dil ýetirmesi bagyşlanar, emma
Mukaddes Ruha dil ýetirenler bagyş-
lanmaz. [32] Kim Ynsan Ogluna garşy söz
aýtsa, bagyşlanar. Emma Mukaddes Ru-
ha garşy aýdylan söz bagyşlanmaz. Ol şu
döwürde-de, geljekde-de bagyşlanmaz.

### *Miweli agaç*
*(Luka 6:43-45)*

[33] Oňat agaç ekiň, onuň miwesi-de oňat
bolar, erbet agaç ekseňiz, erbet miwe
alarsyňyz, sebäbi agaç miwesinden tanal-
ýandyr. [34] Eý, alahöwrenler nesli! Ynsanyň
dili ýüreginden joşanyny sözleýändir. Şeý-
lelikde, özüňiz erbetkäňiz, nädip siz oňat
zatlar sözläp bilersiňiz? [35] Ýagşy adam
ýüreginiň ýagşylyk hazynasyndan ýagşy-
lyk çykarýandyr, ýaman adam ýüreginiň
ýamanlyk hazynasyndan ýamanlyk çykar-
ýandyr. [36] Men size şuny diýýärin: adamlar
aýdan her bir boş sözi üçin kyýamat güni
hasap bererler. [37] Siz öz sözüňiz bilen akla-
nyp, öz sözüňiz bilen höküm edilersiňiz».

### *Ýunusyň alamaty*
*(Mark 8:11,12; Luka 11:24-26,29-32)*

[38] Şonda käbir Töwrat mugallymlary
we fariseýler Oňa jogap berip: «Mu-
gallym, biz Senden bir gudratly alamat
görmek isleýäris» diýdiler. [39] Isa olara
şeýle jogap berdi: «Bu erbet we biwe-
pa nesil alamat talap edýär, emma oňa
Ýunus pygamberiňkiden başga alamat
berilmez. [40] Ýunusyň üç gije-gündiz baly-
gyň garnynda galyşy ýaly, Ynsan Ogly-da
üç gije-gündiz ýeriň bagrynda galar.
[41] Ninewe halky kyýamat güni bu nesle
garşy çykyp, ony höküm eder, sebäbi olar
Ýunusyň wagzy bilen toba geldiler. Ine,
bu ýerde Ýunusdan hem üstün Biri bar.
[42] Günorta melikesi kyýamat güni bu nes-
le garşy çykyp, ony höküm eder, sebäbi
ol Süleýmanyň pähimini diňlemek üçin,
ýeriň aňry ujundan geldi. Ine, bu ýerde
Süleýmandan-da üstün Biri bar.
[43] Arwah-jyn adamdan çykandan soň,
gurak ýerlere aýlanyp, dynçlyk gözleýär,

**12:40** Ýun 2:1. **12:41** Ýun 3:4-10. **12:42** 1Pat 10:1-10.

emma tapmaýar. 44Şonda ol: „Çykan
öýüme dolanaýyn“ diýýär. Dolanyp
gelende, öýüň süpürilgi, hemme zadyň
ýerbe-ýerdigini görýär. 45Onsoň gidip,
özünden hem erbet ýedi ruhy ýanyna
alýar-da, şol ýere baryp mesgen tutýar.
Şeýlelikde, ol adamyň soňky ýagdaýy
öňküsinden-de erbet bolýar. Bu erbet
nesle-de şeýle bolar».

***Isanyň ejesi we inileri***
*(Mark 3:31-35; Luka 8:19-21)*

46Isa halka gürrüň berip durka, ejesi bi-
len inileri geldi. Olar Isa bilen gepleşjek
bolup, daşarda garaşyp durdular. 47Kim-
dir biri Isa: «Ejeň bilen doganlaryň Seniň
bilen gepleşmek üçin daşarda garaşyp
durlar» diýdi. 48Emma Isa muny aýdana:
«Meniň ejem, doganlarym kim?» diýdi.
49Soňra eli bilen şägirtlerini görkezip:
«Ine, Meniň ejem, doganlarym şulardyr!
50Gökdäki Atamyň islegini kim berjaý
etse, şol Meniň doganym, uýam hem
ejemdir» diýdi.

## 13-nji bap

***Ekin tymsaly***
*(Mark 4:1-20; Luka 8:4-15)*

1Şol gün Isa öýden çykyp, kölüň
ýakasynda otyrdy. 2Daşyna şeýle uly
mähelläniň üýşendigi sebäpli köldäki
bir gaýyga münüp otyrdy. Tutuş mähel-
le bolsa kölüň ýakasynda, gury ýerde
durdy. 3Isa olara tymsallar arkaly köp
zatlar öwretdi: «Bir daýhan ekin ek-
mäge çykýar. 4Ekip ýörkä, tohumlaryň
birnäçesi ýoluň üstüne düşýär we guşlar
gelip, ony çokýarlar. 5Birnäçesi topragy
az, daşly ýere düşýär. Topragy çuň bol-
mansoň, olar tiz gögerýär. 6Ýöne gün
gyzanda, kökleriniň ýokdugy zerarly
solup, guraýarlar. 7Birnäçe tohum ti-
kenleriň arasyna düşýär. Tikenler ösüp,
olary basýar. 8Birnäçesi-de gowy ýere
düşüp, käbiri ýüz, käbiri altmyş, käbiri
hem otuz esse hasyl berýär. 9Eşitmäge
gulagy bar adam eşitsin!»

10Onsoň şägirtler Isadan: «Näme üçin
halka tymsallar bilen gürrüň berýärsiň?»
diýip soradylar. 11Ol şeýle jogap berdi:
«Gögüň Şalygynyň syrlaryna düşün-
me ukyby size berildi, olara berilmedi.
12Kimde bar bolsa, oňa ýene berler, on-
daky bol bolar; kimde ýok bolsa, onuň
elindäki hem alnar. 13Meniň olara tym-
sallar bilen gürrüň bermegimiň sebäbi
şudur: olar seredýärler, ýöne görmeýärler,
diňleýärler, ýöne eşitmeýärler we düşün-
meýärler. 14Şeýdip, Işaýanyň pygamberlik
bilen aýdan sözleri olarda berjaý bolýar:

„Eşidip dursaňyz-da, hiç
düşünmersiňiz,
seredip dursaňyz-da, hiç
aňlamarsyňyz.
15 Bu halkyň ýüregi küteldi,
gulaklary ker açdy,
gözleri gapyldy.
Ýogsam gözleri bilen görüp,
gulaklary bilen eşiderdiler,
aňlary bilen aňlap,
Maňa tarap dolanardylar,
Men hem olara şypa bererdim“.

16Emma siz nähili bagtly! Sebäbi göz-
leriňiz görýär, gulaklaryňyz eşidýär.
17Size dogrusyny aýdýaryn: köp pygam-
berler we ençeme dogry adamlar siziň
görýänleriňizi görmek islediler, emma
görmediler. Siziň eşidýänleriňizi eşitmek
islediler, emma eşitmediler.

18Indi daýhan hakyndaky tymsa-
lyň manysyny diňläň: 19kim Hudaýyň

**13:14-15** Işa 6:9-10.

Şalygy hakyndaky sözi eşidip, oňa dü-
şünmese, şeýtan gelip, onuň ýüreginde
ekileni sogrup alýar. Ýoluň gyrasynda
ekilen budur. 20 Daşly ýere ekilen bol-
sa, sözi eşidip, ony dessine şatlyk bilen
kabul edýändir. 21 Emma beýle adamda
kök ýokdur, çydamsyzdyr. Bu söz üçin
muşakgat ýa-da yzarlama bolanda, ol
dessine imandan ýüz dönderer. 22 Ti-
kenligiň arasyna düşen tohum bolsa
sözi eşidýär, ýöne dünýäniň gaýgylary,
baýamak höwesi ony bogýar we söz
hasylsyz galýar. 23 Gowy topraga ekilen
bolsa, sözi eşidip, oňa düşünýär hem-de
hasyl berýär. Beýle adamlaryň käbiri
ýüz, käbiri altmyş, käbiri otuz esse ha-
syl berýär».

### *Haşal ot tymsaly*

24 Isa olara başga bir tymsal hem
gürrüň berdi: «Gögüň Şalygy öz aty-
zynda oňat tohum eken adama meňzeýär.
25 Hemmeler ýatyrka, onuň duşmany
gelip, bugdaýlaryň arasyna haşal ot ekip
gidýär. 26 Ekin ösüp hasyla duranda, haşal
ot hem peýda bolýar. 27 Ýer eýesiniň hyz-
matkärleri onuň ýanyna gelip: „Hojaýyn,
sen atyzyňa oňat tohum sepmänmidiň?
Bu haşal otlar nireden peýda boldu-
ka?“ diýip soraýarlar. 28 Hojaýyn: „Bu
duşmanyň işidir“ diýip jogap berýär.
Hyzmatkärleri: „Gidip, olary sogrup
taşlamagymyzy isleýäňmi?“ diýip so-
raýarlar. 29 Emma hojaýyn: „Ýok, haşal
oty sogurjak bolup, 30 bugdaýy hem köki
bilen goparmagyňyz mümkin. Goý, ora-
ga çenli olaryň ikisi-de bile ösübersin.
Orak döwri men orakçylara ilki haşal
oty ýygyň-da, ýakar ýaly edip desse-
läň. Bugdaýy bolsa meniň ammaryma
üýşüriň diýerin“» diýip jogap berýär.

### *Gorçisa tohum tymsaly*
*(Mark 4:30-32; Luka 13:18,19)*

31 Isa olara başga bir tymsaly-da gürrüň
berdi: «Gögüň Şalygy bir adamyň öz
melleginde eken gorçisa tohumyna meň-
zeýändir. 32 Ol ähli tohumlaryň içinde iň
ownugydyr, emma öseninden soň welin,
beýleki ösümlikleriň barysyndan belent
bolup, agaja öwrülýär. Hatda guşlaram
onuň şahalarynda höwürtgeläp bilýärler».

### *Hamyrmaýa tymsaly*
*(Luka 13:20,21)*

33 Isa olara başga bir tymsaly-da gür-
rüň berdi: «Gögüň Şalygy hamyrmaýa
meňzeýändir. Bir aýal üç kersen una birje
bölek hamyrmaýa goşsa-da, tutuş hamyr
çişýär». 34 Isa bu zatlaryň baryny halka
tymsallar bilen aýdýardy. Olara tymsalsyz
hiç zat aýtmaýardy. 35 Bu pygamber arkaly
aýdylan şu sözüň berjaý bolmagy üçindi:

«Men size tymsal aýdyp bereýin,
dünýä ýaradylaly bäri
gizlin galan syrlary beýan edeýin».

### *Isa haşal ot tymsalyny düşündirýär*

36 Onsoň Isa halky ugradyp, öýe girdi.
Şägirtleri Onuň ýanyna gelip: «Haşal
otlar hakdaky tymsaly bize düşündirip
bersene» diýdiler. 37 Ol şeýle jogap ber-
di: «Oňat tohumy ekýän Ynsan Ogludyr.
38 Ekin meýdany bolsa dünýädir. Oňat
tohum Gögüň Şalygynyň perzentleridir.
Haşal otlar bolsa şeýtanyň perzentleridir.
39 Haşal otlary eken duşman – şeýtandyr.
Orak döwri – dünýäniň ahyrydyr, orak-
çylar bolsa perişdelerdir. 40 Şeýlelik bilen
haşal otlar nähili ýyglyp, otda ýakylýan
bolsa, dünýäniň ahyrynda hem şeýle
bolar. 41 Ynsan Ogly Öz perişdelerini ibe-

**13:35** Zeb 77:2.

rer, olar-da günä duçar edýän ähli zatlary,
erbetlik edýänleri Onuň Şalygyndan ýyg-
narlar. 42 Olar bulary lowlap duran kürä
taşlarlar. Ol ýerde agy we diş gyjama
bolar. 43 Şonda dogry adamlar gökdäki
Atasynyň Şalygynda Gün kimin parlar-
lar. Eşitmäge gulagy bar adam eşitsin!»

### *Gizlin hazyna we dürdäne tymsaly*

44 «Gögüň Şalygy ekin meýdanynda
gizlenen hazyna meňzeýändir. Bir adam
ony tapyp alýar, soňra ony gaýtadan
gizleýär we begenip baryp, ähli zadyny
satýar-da, ýaňky ekin meýdany satyn
alýar. 45 Mundan başga-da, Gögüň Şalygy
owadan dür agtarýan täjir ýalydyr. 46 Ol
gymmatbaha bir düri tapyp, ähli zadyny
satýar-da, ony satyn alýar.

### *Tor tymsaly*

47 Şeýle hem, Gögüň Şalygy deňze
taşlanyp, her hili balygy ýygnaýan tor
ýalydyr. 48 Tor dolanda, ony kenara çek-
ýärler. Onsoň oturyp, oňat balyklary
sebetlere salýarlar, erbetlerini hem zy-
ňyp goýberýärler. 49 Dünýäniň ahyrynda
hem şeýle bolar. Perişdeler gelip, erbet-
leri dogry adamlardan aýryp, 50 lowlap
duran kürä taşlarlar. Ol ýerde agy we
diş gyjama bolar».

51 Isa olara: «Bularyň hemmesine
düşündiňizmi?» diýip sorady. Olar: «Ha-
wa» diýip jogap berdiler. 52 Isa olara:
«Şonuň üçin hem Gögüň Şalygy hakynda
taglymat alan her bir Töwrat mugallymy
hazynasyndan täze we köne zatlar çy-
karýan öý eýesine meňzeýändir» diýdi.

### *Nasyrada Isa hormat goýulmaýar*
*(Mark 6:1-6; Luka 4:16-30)*

53 Isa bu tymsaly gürrüň berip bolan-
dan soň, ol ýerden gitdi. 54 Ol Öz dogduk
mekanyna gelip, adamlara olaryň si-
nagogalarynda sapak bermäge başlady.
Adamlar Oňa haýran galyp: «Bu Adam
beýle danalygy nireden aldyka? Ol nädip
beýle mugjyzalary görkezmegi başar-
ýarka? 55 Ol agaç ussanyň ogly dälmi?
Ejesiniň ady hem Merýem dälmi näme?
Ol Ýakup, Ýusup, Simun we Ýahuda da-
gyň dogany ahyryn! 56 Onuň uýalary-da
biziň aramyzda ýaşamaýarlarmy näme?
Onda bu Adam munça zady nireden
bilýärkä?» diýişdiler. 57 Şeýlelikde, olar
Isany ret etdiler.

Emma Isa olara: «Pygamberiň diňe öz
ýurdunda we öýünde gadyry ýokdur»
diýdi. 58 Isa olaryň imansyzdyklary ze-
rarly, ol ýerde köp gudrat görkezmedi.

## 14-nji bap

### *Ýahýanyň ölümi*
*(Mark 6:14-29; Luka 9:7-9)*

1 Şol wagt Isanyň at-owazasy Hirod
hanyň gulagyna baryp ýetdi. 2 Ol öz
emeldarlaryna: «Bu Ýahýa çümdürijidir.
Ol ölümden direlipdir, şol sebäpli ol bu
mugjyzalary görkezip bilýär» diýdi. 3 Hi-
rod dogany Filipiň aýaly Hirodiýa üçin
Ýahýany tutduryp, el-aýagyny gandallap,
zyndana taşladypdy. 4 Ol muny Ýahýaňyň
özüne: «Seniň öz doganyňyň aýalyna
öýlenmegiň dogry däl» diýeni üçin et-
di. 5 Hirod Ýahýany öldürmek isleýärdi,
emma halkyň Ýahýany pygamber saý-
ýandygy üçin beýle etmekden gorkýardy.

6 Hirodyň doglan güni Hirodiýanyň
gyzy ortada tans edip, Hirodyň göwnüni
çaglady. 7 Şonda Hirod gyza ant içip, di-
län zadyny berjekdigine söz berdi. 8 Gyz
hem ejesiniň öwretmegi bilen: «Maňa
bir tabagyň içinde Ýahýa çümdüriji-
niň başyny ber» diýdi. 9 Han gamgyn
boldy, emma myhmanlaryň ýanynda
ant içensoň, Ýahýanyň başynyň oňa

getirilip berilmegini buýurdy. [10]Jellat
iberip, zyndanda Ýahýanyň başyny
çapdyrdy. [11]Çapylan başy bir tabakda
getirip, gyza berdi. Gyz-da ony ejesine
eltip berdi. [12]Ýahýanyň şägirtleri gelip,
onuň jesedini äkidip jaýladylar. Soňra
gidip, muny Isa habar berdiler.

***Isa bäş müň adamy doýurýar***
*(Mark 6:30-44; Luka 9:10-17;*
*Ýohanna 6:1-14)*

[13]Isa muny eşidip, ýeke Özi gaýyga
mündi-de, ol ýerden bir çola ýere çekildi.
Halk muny bilende, şäherlerden çykyp,
paý-pyýada Onuň yzyndan gitdi. [14]Ol
gaýykdan düşende, uly mähelläni görüp,
olara haýpy geldi, olaryň hassalaryny sa-
galtdy. [15]Şägirtleri agşam Onuň ýanyna
gelip: «Bu bir çola ýer, wagt hem gijikdi,
halky goýber, obalara gidip, özlerine iý-
mit satyn alsynlar» diýdiler. [16]Isa olara:
«Gitmegiň geregi ýok, olara iýmäge zady
siz beriň» diýdi. [17]Şägirtler hem Isa: «Bi-
ziň bu ýerde bäş çörek bilen iki balykdan
başga zadymyz ýok ahyryn» diýdiler.
[18]Isa: «Olary şu ýere – Meniň ýanyma
getiriň» diýdi. [19]Şonda Isa halka otuň
üstünde oturmagy buýurdy. Ol bäş çö-
rek bilen iki balygy alyp, gözlerini göge
dikip, şükür etdi we çörekleri bölüşdirip,
şägirtlerine berdi. Şägirtleri hem olary
mähellä paýladylar. [20]Hemmeler iýip
doýdular. Şägirtler artan çörek bölekle-
rini ýygnap, on iki sebedi doldurdylar.
[21]Mundan iýenleriň sany aýallardyr ça-
galardan başga bäş müňe golaý adamdy.

***Isa suwuň ýüzünden ýöreýär***
*(Mark 6:45-56; Ýohanna 6:15-21)*

[22]Isa halky öýlerine ugradyp durka,
şägirtlerine gaýyga münüp, Özünden
öň beýleki kenara geçmeklerini buýurdy.
[23]Halky ugradanyndan soň, Hudaýa doga
etmek üçin bir Özi daga çykdy. Agşam
hem Ol şol ýerde ýekedi. [24]Gaýyk bolsa
şol wagt eýýäm kölüň ortasyndady, tol-
kunlar gelip, oňa urulýardy, sebäbi ýel
olaryň garşysyndan öwüsýärdi. [25]Daň-
dana golaý Isa kölde suwuň ýüzünden
ýöräp, olara tarap geldi. [26]Emma şägirtler
Onuň suwuň ýüzünden ýöräp gelýänini
görenlerinde, tanaman: «Bu bir gözümi-
ze görünýän arwahdyr!» diýşip, dowla
düşdüler, olar gorkudan ýaňa gygyryşdy-
lar. [27]Emma Isa dessine olara söz gatyp:
«Dogumly boluň! Bu – Men, gorkmaň!»
diýdi. [28]Petrus Oňa jogap berip: «Agam,
bu Sen bolsaň, maňa buýruk ber, suwuň
ýüzünden ýöräp, ýanyňa baraýyn» diýdi.
[29]Isa: «Gel!» diýdi. Petrus hem gaýyk-
dan düşüp, Isanyň ýanyna barjak bolup,
suwuň ýüzünden Isa tarap ýöremäge
başlady. [30]Emma ýeliň güýjüni görüp
gorkdy, gark bolup ugranda: «Agam,
meni halas et» diýip gygyrdy. [31]Isa şo-
bada elini uzadyp, ony tutdy-da: «Eý, az
imanly, näme üçin şübhelendiň?» diýdi.
[32]Olaryň ikisi gaýyga münen badyna ýel
ýatdy. [33]Gaýykdakylar: «Sen, hakykat-
dan-da, Hudaýyň Oglusyň» diýip, Oňa
sežde etdiler.
[34]Olar kölüň beýleki tarapyna geçip,
Ginnesarete gelip ýetdiler. [35]Ol ýeriň
adamlary Isany tanap, çar tarapa adam
iberip, hassalaryň baryny Onuň ýanyna
getirdiler. [36]Olar diňe donunyň syýyna
ellerini degirmäge rugsat etmegini sorap,
Oňa ýalbarýardylar. Oňa el degrenleriň
hemmesi-de sagaldy.

## 15-nji bap

***Adamy näme murdar edýär?***
*(Mark 7:1-23)*

[1]Onsoň käbir fariseýler bilen Töwrat
mugallymlary Iýerusalimden Isanyň

ýanyna gelip, Ondan: 2«Näme üçin Seniň
şägirtleriň ata-babalaryň adatyny boz-
ýarlar? Näme üçin olar nahar iýenlerinde
ellerini ýuwmaýarlar?» diýip soradylar.
3Isa olara şeýle jogap berdi: «Siz nä-
me üçin öz adatlaryňyzyň hatyrasyna
Hudaýyň buýrugyny bozýarsyňyz? 4Hu-
daý: „Ata-eneňe hormat goý“, şeýle-de,
„Atasyna ýa-da enesine gargan adam
ölüme hököm edilsin“ diýip buýrupdy.
5-6Emma siz ata-enesine: „Men size kö-
mek edip biljek däl. Size bermegi niýet
eden zatlarymy men Hudaýa sadaka
berdim“ diýip aýdýana onuň atasyna[a]
hormat goýmagy hökman däl diýýärsi-
ňiz. Şeýdip, adatlaryňyzyň hatyrasyna
Hudaýyň sözüni puja çykarýarsyňyz.
7Eý, ikiýüzlüler, Işaýa pygamber siz
hakda jaýdar pygamberlik edipdir! Onda
şeýle ýazylan:

8„Bu halk Meni dilinde
hormatlaýar,
emma ýürekleri Menden
uzakdadyr.
9Biderek ýere Maňa sežde edýärler,
taglymat diýip öwredýänleri
ynsan buýruklarydyr“».

10Isa mähelläni ýanyna çagyryp, ola-
ra: «Diňläň, düşüniň! 11Agza giren zat
adamy murdar edýän däldir, adamy
agyzdan çykýan zat murdar edýändir»
diýdi. 12Onsoň şägirtler gelip, Ondan:
«Fariseýleriň bu sözi eşidip, nägile bolan-
dyklaryny bilýärsiňmi?» diýip soradylar.
13Ol: «Gökdäki Atamyň ekmedik her bir
ösümligi köki bilen sogrular. 14Olara zat
diýmäň, olar körleri idýän körlerdir. Kör-
köri ideklese, olaryň ikisi hem çukura
gaçar» diýip jogap berdi. 15Petrus Oňa:
«Bize bu tymsaly düşündirip ber» diý-
di. 16Isa hem şeýle diýdi: «Siz henizem
düşüneňzokmy? 17Agza giren her bir
zadyň ilki garna baryp, ol ýerden hem
daşary çykýandygyny bilmeýärsiňizmi?
18Emma agyzdan çykan zatlar ýürekden
çykyp, adamy murdar edýär. 19Adamyň
ýüreginden erbet pikirler, ganhorlyk,
zynahorlyk, azgynlyk, ogurlyk, ýalan
şaýatlyk, sögünç çykýandyr. 20Adamy
şu zatlar murdar edýär, ýuwulmadyk
el bilen nahar iýmek adamy murdar
etmeýär».

### *Kengan aýalyň imany*
*(Mark 7:24-30)*

21Isa ol ýerden çykyp, Sur we Sidon
şäherleriniň töweregine gitdi. 22Ol ýerde
bir kengan aýaly Isanyň ýanyna gelip:
«Agam, eý, Dawut Ogly, bize rehim et!
Gyzymy arwah-jyn eýeledi, ol erbet ejir
çekýär» diýdi. 23Emma Isa oňa hiç bir
jogap bermedi. Şonda şägirtleri Onuň
ýanyna gelip: «Ony ugrat, ýogsam yzy-
myzdan galman gygyryp gelýär» diýip
haýyş etdiler. 24Isa hem: «Men diňe
ysraýyl halkynyň azaşan goýunlaryna
iberildim» diýip jogap berdi. 25Emma
ol aýal ýene-de Isanyň golaýyna gelip,
dyza çökdi-de: «Agam, maňa kömek et»
diýip ýalbardy. 26Isa oňa: «Çagalaryň
çöregini alyp, itlere zyňmak dogry däl-
dir» diýdi. 27Aýal hem: «Hawa, Agam!
Ýöne itler hem saçak başynda dökülen
çörek owuntyklaryndan iýýändir» diý-
di. 28Şonda Isa oňa: «Eý, zenan, seniň
imanyň beýik! Saňa isleýşiň ýaly bol-
sun!» diýdi. Ol aýalyň gyzy şol sagadyň
özünde sagaldy.

[a] **15:5-6** Käbir golýazmalarda *atasyna ýa-da enesine.*

**15:8-9** Işa 29:13.

### *Isa dört müň adamy doýurýar*
*(Mark 8:1-10)*

29 Isa ol ýerden gaýtdy we Jelile kö-
lüniň golaýyna gelip, bir dagyň üstüne
çykyp oturdy. 30 Onuň ýanyna bir uly
mähelle geldi, olaryň arasynda agsak-
lar, maýyplar, körler, lallar we ýene-de
bir topar hassalar bardy. Olary getirip,
Isanyň aýagynyň astynda goýdular. Ol
hem bulary sagaltdy. 31 Halk lallaryň
gepleýändigini, maýyplaryň sagalandy-
gyny, körleriň görýändigini, agsaklaryň
ylgaýandygyny görüp haýran galdy. Olar
Ysraýyl Hudaýyny şöhratlandyrdylar.
32 Isa şägirtlerini ýanyna çagyryp: «Bu
mähellä haýpym gelýär! Bular üç gün
bäri Meniň ýanymda, iýmäge hem hiç
zatlary ýok. Olary öýlerine aç goýbere-
sim gelenok, ýolda tapdan düşmekleri
ahmal» diýdi. 33 Şägirtleri Oňa: «Beýle
uly mähelläni doýrar ýaly, bu çola ýer-
de biz çöregi nireden alaly?» diýdiler.
34 Isa olardan: «Näçe çöregiňiz bar?»
diýip sorady. Olar: «Ýedi çörek bilen
birnäçe ownuk balygymyz bar» diýdiler.
35 Isa mähellä ýerde oturmagy buýur-
dy. 36 Ýedi çörek bilen balyklary alyp,
şükür edeninden soň, olary bölüşdirip,
şägirtlerine berdi, şägirtleri hem olary
mähellä paýladylar. 37 Hemmeler iýip
doýdular. Artan çörek bölekleri ýedi
sebet boldy. 38 Iýenler aýallardyr çaga-
lardan başga dört müň adamdy. 39 Isa
halky ugradandan soň, gaýyga münüp,
Magadan şäheriniň töweregine gitdi.

## 16-njy bap

### *Ýolbaşçylar alamat talap edýär*
*(Mark 8:11-13; Luka 12:54-56)*

1 Fariseýler bilen saddukeýler Isanyň
ýanyna geldiler. Olar Isany synamak
üçin, Onuň özlerine gökden bir gud-
ratly alamat görkezmegini islediler. 2 Ol
şeýle jogap berdi: «Agşam düşende:
„Asmanyň ýüzi gyzaryp dur, howa go-
wy boljak“ diýýärsiňiz. 3 Ertirine hem:
„Asmanyň ýüzi garalypdyr hem tutuk,
bu gün gaý turjak“ diýýärsiňiz. Siz
asmana seredip, howanyň ýagdaýyny
saýgaryp bilýärsiňiz-de, döwrüň ala-
matlaryny saýgaryp bilmeýärsiňizmi?
4 Bu erbet we biwepa nesil alamat talap
edýär, emma oňa Ýunus pygamberiňki-
den başga alamat berilmez». Şeýlelikde,
Isa olary taşlap gitdi.

### *Fariseýleriň we Hirodyň hamyrmaýasyndan hüşgär boluň!*
*(Mark 8:14-21)*

5 Şägirtleri kölüň beýleki tarapyna ge-
çenlerinde, çörek almagy unudan ekenler.
6 Isa olara: «Hüşgär boluň, özüňizi
fariseýler bilen saddukeýleriň hamyr-
maýasyndan goraň» diýdi. 7 Olar bolsa
özara çekeleşip: «Ol muny biziň çörek
almandygymyz üçin şeýle diýýändir»
diýişýärdiler. 8 Emma Isa olaryň näme
diýişýändiklerini bilip, şeýle diýdi: «Eý,
imany azlar! Çörek almandyrys diýşip,
nämä özara çekeleşýärsiňiz? 9 Entek
hem düşüneňzokmy? Bäş çörek bilen
bäş müň adamyň doýandygy, artany-
nyň näçe sebet bolandygy ýadyňyza
düşmeýärmi? 10 Ýedi çörek bilen dört
müň adamyň doýandygy, artanyndan
näçe sebedi dolduryp ýygnandygyňyz
hem ýadyňyza düşenokmy? 11 Siz nädip
çörek barada gürrüň etmeýändigime dü-
şüneňzok? Men size: „Özüňizi fariseýler
bilen saddukeýleriň hamyrmaýasyndan
goraň“ diýýärin». 12 Şägirtler Isanyň öz-
lerine hamyrmaýa däl-de, fariseýler bilen
saddukeýleriň taglymatyndan goranyň
diýýändigine şonda düşündiler.

### *Petrus Isanyň Mesihdigini ykrar edýär*
*(Mark 8:27-30; Luka 9:18-21)*

13 Isa Kaýsariýa-Filip şäheriniň gola-
ýyna gelende, şägirtlerinden: «Adamlar
Ynsan Ogluna kim diýýärler?» diýip so-
rady. 14 Şägirtleri Oňa: «Käbirleri Ýahýa
çümdüriji, käbirleri Ylýas, başga birleri
Ýermeýa, käbirleri-de pygamberlerden
biri diýýärler» diýip jogap berdiler. 15 Isa
olardan: «Siz Maňa kim diýýärsiňiz?»
diýip sorady. 16 Simun Petrus: «Sen diri
Hudaýyň Ogly Mesihsiň» diýip jogap
berdi. 17 Isa Oňa şeýle diýdi: «Eý, Ýu-
nusyň ogly Simun, sen nähili bagtly!
Bu syry saňa aýan eden ynsan däl-de,
gökdäki Atamdyr. 18 Men saňa şuny
aýdaýyn: Eý, Petrus! [a] Sen gaýasyň,
Men ýygnagymy bu gaýanyň üstünde
guraryn, hatda ölüm-de bu ýygnagy-
my ýeňip bilmez. 19 Gögüň Şalygynyň
açarlaryny saňa bererin. Ýer ýüzünde
rugsat berýän zadyňa gökde-de rugsat
berler. Ýer ýüzünde gadagan edýän za-
dyň gökde-de gadagan ediler». 20 Onsoň
şägirtlerine Özüniň Isa Mesihdigini hiç
kime aýtmazlygy tabşyrdy.

### *Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar*
*(Mark 8:31–9:1; Luka 9:22-27)*

21 Şondan soň Isa şägirtlerine Özüniň
Iýerusalime gitmelidigi, ýaşulularyň,
ýolbaşçy ruhanylaryň, Töwrat mugallym-
laryň elinden köp görgüler görmelidigi,
öldürilmelidigi we üçülenji gün direlme-
lidigi hakynda düşündirmäge başlady.
22 Petrus Ony bir çete çekip: «Hudaý sak-
lasyn, Agam! Seniň başyňa asla beýle iş
düşmez!» diýip, Onuň aýdanlaryna garşy
çykmaga başlady. 23 Emma Isa Petrusa
tarap öwrülip: «Çekil öňümden, şeýtan!
Sen Maňa böwet bolýarsyň, sebäbi Sen
Hudaýyň işlerini däl-de, ynsan işleri
hakda oýlanýarsyň» diýdi. 24 Onsoň Isa
şägirtlerine ýüzlenip: «Kim Meniň yzy-
ma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär
etsin-de, haçyny alyp, yzyma düşsün.
25 Kim janyny halas etmek islese, ony
ýitirer, ýöne kim janyny Meniň ugrum-
da ýitirse, ony halas eder. 26 Ynsan tutuş
dünýäni gazanybam, janyndan mahrum
bolsa, oňa näme peýdasy bar? Ynsan öz
janyna derek näme berip biler? 27 Ynsan
Ogly Atasynyň şöhratynda Öz perişde-
leri bilen gelende, her kime eden işlerine
görä hakyny berer. 28 Size dogrusyny
aýdýaryn: bu ýerde duranlaryň käbiri
Ynsan Oglunyň Patyşa bolup gelýänini
görmezden ölmezler» diýdi.

## 17-nji bap

### *Isanyň keşbi üýtgeýär*
*(Mark 9:2-13; Luka 9:28-36)*

1 Alty günden soň Isa ýanyna diňe
Petrusy, Ýakuby we onuň dogany Ýohan-
nany alyp, bir beýik dagyň üstüne çykdy.
2 Şol ýerde olaryň gözüniň alnynda Onuň
keşbi üýtgedi. Onuň ýüzi Gün kimin
parlady, eginbaşy ap-ak bolup, ýşyk
saçdy. 3 Birdenkä olara Musa bilen Ylýas
göründi. Olar Isa bilen gepleşip durdular.
4 Petrus Isa: «Agam! Bize bu ýerde bol-
mak ýakymly, isleseň, bu ýerde üç çadyr
dikeýin: biri – Saňa, biri – Musa, biri –
Ylýasa» diýdi. 5 Ol entek gepläp durka,
parlak bir bulut olaryň üstüni örtdi. Bu-
lutdan: «Bu Meniň söwer Oglumdyr,
Men Ondan gaty razydyryn. Oňa gulak
asyň» diýen bir owaz geldi. 6 Şägirtler
muny eşidenlerinde, gaty gorkup, ýüzin

[a] **16:18** ***Petrus*** – bu söz *gaýa* diýmegi aňladýar.

ýykyldylar. 7 Emma Isa gelip, olara elini
degrip: «Turuň, gorkmaň» diýdi. 8 Olar
başyny galdyryp seredenlerinde, Isadan
başga hiç kimi görmediler.

9 Dagdan inip gelýärkäler, Isa olara:
«Ynsan Ogly ölümden direlýänçä, gören
zatlaryňyzy hiç kime aýtmaň» diýip tab-
şyrdy. 10 Şägirtleri Ondan: «Onda näme
üçin Töwrat mugallymlary öňürti Ylýas
gelmelidir diýýärler?» diýip soradylar.
11 Isa olara: «Dogrudan-da, öňürti Ylýas
gelip, ähli zady düzetmeli. 12 Men size
şuny aýdýaryn: Ylýas birwagt geldi,
emma ony tanaman, oňa islän zatlaryny
etdiler. Ynsan Ogly-da edil şonuň ýaly,
olaryň elinden jebir çeker» diýip jogap
berdi. 13 Şonda şägirtler Onuň özlerine
çümdüriji Ýahýa barada gürrüň berýän-
digine düşündiler.

### *Isa arwah-jyn eýelän oglany sagaldýar*

*(Mark 9:14-32; Luka 9:37-45)*

14 Olar mähelläniň ýanyna ýetip bar-
ýarkalar, bir adam Isanyň ýanyna gelip,
Onuň öňünde dyza çökdi. 15 Ol: «Agam,
ogluma rehim et! Onuň tutgaý keseli
bar, örän ejir çekýär. Ol ýygy-ýygydan
özüni oda, suwa urýar. 16 Men ony Seniň
şägirtleriňe getirdim, emma olar sagal-
dyp bilmediler» diýdi.

17 Isa: «Eý, ýoldan çykan, imansyz
nesil! Men haçana çenli siziň bilen bile
bolup, size çydaýyn? Oglany şu ýere,
Meniň ýanyma getiriň» diýdi. 18 Isa ar-
wah-jyna berk käýän badyna, arwah-jyn
oglandan çykyp gitdi. Oglan şol pursa-
dyň özünde sagaldy.

19 Onsoň şägirtler Isanyň ýanyna gelip,
özli-özlerikä Ondan: «Biz näme üçin
ony çykaryp bilmedik?» diýip soradylar.
20 Isa hem olara: «Ýeterlik imanyňyzyň
ýokdugy üçin şeýle boldy. Size dog-
rusyny aýdýaryn: bir gorçisa dänesi
ýalyjak imanyňyz bolup, şu daga: „Bu
ýerden ol ýere göç“ diýseňiz, ol göçer.
Size başartmajak zat bolmaz» diýdi. [a]

22 Bir gün Jelilede üýşenlerinde, Isa
olara: «Ynsan Ogly adamlaryň eline
tabşyrylar. 23 Ony öldürerler, emma Ol
üçülenji gün direler» diýdi. Şägirtler
muňa örän gynandylar.

### *Ybadathana salgydy*

24 Isa bilen şägirtler Kapernauma ge-
lenlerinden soň, ybadathana salgydyny
ýygnaýanlar Petrusyň ýanyna gelip:
«Siziň Mugallymyňyz ybadathana sal-
gydyny tölänokmy?» diýip soradylar.
25 Petrus: «Töleýär» diýdi. Petrus öýe
gelende, Isa ondan öňürdip: «Simun,
sen näme diýýärsiň? Ýer ýüzündäki
patyşalar gümrükdir salgydy kimden
alýarlar? Öz ogullaryndanmy ýa kese-
kilerden?» diýip sorady. 26 Petrus Oňa:
«Kesekilerden» diýende, Isa oňa: «Onda
ogullar erkindir. 27 Emma olar nägile
bolmaz ýaly, köle git-de, çeňňek taşla.
Çeňňege düşen ilkinji balygy alyp, ag-
zyny açsaň, salgyt tölemäge ýeterlik
teňňäni taparsyň. Teňňäni al-da, Meniň
üçinem, özüň üçinem salgyt töle» diýdi.

## 18-nji bap

### *Iň beýik kim?*

*(Mark 9:33-37,42-48;*
*Luka 9:46-48; 17:1-2)*

1 Şol wagt şägirtler Isanyň ýanyna
gelip: «Gögüň Şalygynda iň beýik

---

[a] **17:20** Käbir golýazmalarda 21-nji aýat duş gelýär: *Şeýle arwah-jynlary agyz bekläp, Hudaýa doga-dileg etmekden başga hiç zat bilen çykaryp bolýan däldir.*

kim?» diýip soradylar. 2 Isa-da bir ça-
gany çagyryp, ony olaryň ortasynda
duruzdy-da, şeýle diýdi: 3 «Size dog-
rusyny aýdýaryn: eger siz ýoluňyzdan
dönüp, çagalar ýaly bolmasaňyz, Gögüň
Şalygyna asla girip bilmersiňiz. 4 Kim
şu çaga ýaly pes göwünli bolsa, Gögüň
Şalygynda iň beýik şoldur. 5 Kim şu-
nuň ýaly bir çagany Meniň adymdan
kabul etse, Meni kabul etdigidir. 6 Em-
ma kimde-kim Maňa ynanýan bu pes
göwünlilerden biriniň günä etmegine
sebäp bolsa, onuň üçin boýnundan
uly degirmen daşy asylyp, deňziň
düýbüne zyňylmagy has gowy bolar.
7 Ynsanlary günä duçar edýän zatlar
üçin bu dünýäniň halyna waý! Beýle
zatlar gelmelidir, emma bularyň gel-
megine ýardam berýän adamyň dat
gününe! 8 Eliň ýa aýagyň seniň günä
etmegiňe sebäp bolsa, ony kesip taşla.
Seniň iki elli, iki aýakly bolup, ebedi
oda taşlananyňdan, bir elli, bir aýakly
bolup, baky ýaşaýşa gowşanyň go-
wudyr. 9 Gözüň seniň günä etmegiňe
sebäp bolsa, ony oýup taşla. Saňa ýeke
gözli bolup baky ýaşaýşa girmek, iki
gözli bolup dowzah oduna zyňlanyň-
dan gowudyr.

### *Ýiten goýun tymsaly*
*(Luka 15:3-7)*

10 Bu pes göwünlilerden birini äsger-
mezlik etmekden gaça duruň! Men size
şuny aýdýaryn: gökde olaryň perişdele-
ri gökdäki Atamyň ýüzüni elmydama
görýärler. [a]

12 Siz nähili pikir edýärsiňiz? Bir ada-
myň ýüz goýny bolup, olaryň biri azaşsa,
ol togsan dokuzyny daglarda goýup,
azaşanyň gözlegine çykmazmy? 13 Ony
tapyp biläýse, size dogrusyny aýdýa-
ryn, ol munuň üçin azaşmadyk togsan
dokuzysyna begenenden hem has köp
begener. 14 Şeýlelikde, bu pes göwünli-
lerden biriniň heläk bolmagy gökdäki
Ataňyzyň islegi däldir.

### *Doganyň günä etse*

15 Eger doganyň günä etse [b], bar-da,
ikiçäk gürleşip, aýybyny oňa aýt. Se-
niň sözüňe gulak assa, bu doganyňy
gazandygyňdyr. 16 Emma gulak asmasa,
bir ýa iki adamy ýanyňa alyp bar, aý-
dylan her bir söz iki ýa-da üç şaýadyň
güwäsi bilen tassyklansyn. 17 Olara-da
gulak asmak islemese, onda ýygnaga
aýt. Oňa-da gulak asmak islemese, goý,
ol seniň üçin bir butparaz ýa-da sal-
gytçy ýaly bolsun. 18 Size dogrusyny
aýdýaryn: ýer ýüzünde rugsat berýän
zadyňyza gökde-de rugsat berler. Ýer
ýüzünde gadagan edýän zadyňyz gök-
de-de gadagan ediler. 19 Ýene size şuny
aýdýaryn: eger araňyzdan iki adam
islendik zady dilemek üçin bir yla-
laşyga gelse, gökdäki Atam dilegleri
bitirer. 20 Meniň adym bilen iki ýa-da
üç adam üýşse, Men hem olaryň ara-
synda bolaryn».

### *Rehimsiz hyzmatkär*

21 Soňra Petrus Isanyň ýanyna gelip,
Ondan: «Agam, doganym maňa garşy

[a] **18:10** Käbir golýazmalarda 11-nji aýat duş gelýär: *Ynsan Ogly ýitenleri halas etmäge gelendir.*
[b] **18:15** ***Günä etse*** – käbir golýazmalarda *saňa garşy günä etse.*

**18:16** Kan 19:15.

günä etse, ony näçe gezek bagyşlaýyn?
Ýedi gezekmi?» diýip sorady. 22 Isa
oňa: «Men saňa ýedi gezek däl, ýetmiş
gezek ýedi diýýärin» diýip jogap ber-
di. 23 «Şonuň üçin hem Gögüň Şalygy
öz dolandyryjysy bilen hasaplaşmak
islän bir patyşa meňzeýär. 24 Patyşa
hasaplaşyga başlanda, onuň ýanyna
ägirt möçberdäki pul bergisi bolan
bir dolandyryjysyny getirýärler. 25 Ol
bergisini berip bilmänsoň, hojaýyny
oňa özüni, aýalyny, çagalaryny we ähli
mallaryny satyp, bergisini bermegi
buýurýar. 26 Dolandyryjy ýere ýüzin
düşüp, hojaýynyna: „Sabyr et! Baryny
bereýin“ diýip ýalbarýar. 27 Hojaýynyň
oňa rehimi inýär, onuň bergisini ge-
çip, ony boşadyp goýberýär. 28 Ýaňky
dolandyryjy çykyp gidýär. Ol özüne
ujypsyzja bergisi bolan bir ýoldaşy-
na sataşýar. Ony tutup: „Bergiňi ber“
diýip, onuň bokurdagyndan ýapyşýar.
29 Ýoldaşy onuň aýagyna ýykylyp: „Sa-
byr et, bergimi bererin“ diýip, oňa
ýalbarýar. 30 Emma ol etmeýär, gaýtam,
bergisini berýänçä, ony zyndana sal-
dyrýar. 31 Ýaňky adamyň ýoldaşlary
bu wakany görüp, gaty gynanýarlar.
Olar gidip, bolan ähli zady onuň ho-
jaýynyna habar berýärler. 32 Hojaýyny
ony çagyryp: „Eý, ýaramaz gul! Maňa
ýalbaranyň üçin, men seniň bergiňiň
baryny geçdim. 33 Meniň saňa rehim
edişim ýaly, sen hem ýoldaşyňa rehim
etmeli dälmidiň?“ diýýär. 34 Hojaýyny
gazaba münüp, bergisini berýänçä, ony
gynaýanlaryň eline tabşyrýar. 35 Eger
her biriňiz öz doganyny ýürekden
bagyşlamasa, gökdäki Atam-da si-
ze şeýle eder».

## 19-njy bap

### *Nika we aýrylyşmak barada*
*(Mark 10:1-12)*

1 Isa bu sözleri tamamlandan soň,
Jelileden çykyp, Iordan derýasynyň
aňyrsyndaky Ýahudyýa welaýatyna
gitdi. 2 Uly mähelle Onuň yzyna düşdi,
Isa hem şol ýerde olaryň hassalaryny
sagaltdy. 3 Isanyň ýanyna gelen käbir
fariseýler Ony synap görmek üçin:
«Bir adamyň her hili bahana arap, öz
aýalyndan aýrylyşmagy kanuna dogry
gelýärmi?» diýip soradylar. 4 Isa hem:
«Siz näme „Ýaradanyň Özi owal-başda
ynsanlary erkek we aýal edip ýaratdy“
diýen sözleri okamadyňyzmy? 5 „Şol
sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap,
aýaly bilen birleşýär we olaryň ikisi
bir ten bolýar“. 6 Şeýlelikde, olar indi
iki däl, bir tendir. Şonuň üçin hem
Hudaýyň birleşdirenini ynsan aýyr-
masyn» diýdi.
7 Fariseýler Isadan: «Onda näme üçin
Musa talak hatyny ýazyp, aýrylyşmaga
ygtyýar beripdir?» diýip soradylar. 8 Isa
olara: «Musa siziň doňýürekdigiňiz üçin
aýalyňyzy aýyrmaga ygtyýar berdi, em-
ma owal-başda beýle däldi. 9 Men size
şuny diýýärin: kim aýalyny zynadan
başga sebäp bilen aýryp, başga aýala
öýlense, zyna edýändir [a]» diýip jogap
berdi. 10 Şägirtler Oňa: «Eger är-aýalyň
arasyndaky ýagdaý şeýle bolsa, on-
da öýlenmezlik gowudyr» diýişdiler.

[a] **19:9** Käbir golýazmalarda *Ärinden aýrylyşan aýala öýlenen hem zyna edýändir* diýen jümle hem bar.

**19:4** Gçk 1:27. **19:5** Gçk 2:24. **19:7** Kan 24:1-4.

11 Emma Isa olara: «Hemme adamlar
bu sözi kabul edip bilmezler, diňe
özlerine berlenler kabul edip bilerler.
12 Käbir adamlar dogabitdi agtadyrlar,
käbirleri bolsa adamlar tarapyndan agta
edilendir. Başga birleri bolsa Gögüň
Şalygynyň hatyrasyna hiç kim bilen
birleşmeýär. Muny kabul edip bilen
kabul etsin» diýdi.

### *Isa çagalara pata berýär*
*(Mark 10:13-16; Luka 18:15-17)*

13 Soňra başlaryna elini goýup, do-
ga-dileg etsin diýip, adamlar çagalary
Isanyň ýanyna getirdiler, emma şägirtler
çagalary getirenlere käýediler. 14 Isa bol-
sa: «Çagalary Meniň ýanyma goýberiň,
olary saklamaň, sebäbi Gögüň Şalygy
şular ýalylaryňkydyr» diýdi. 15 Isa ola-
ryň başyna elini goýup, pata berenden
soň, ol ýerden gitdi.

### *Baý ýaş ýigit*
*(Mark 10:17-31; Luka 18:18-30)*

16 Şol mahal bir adam Isanyň ýanyna
gelip: «Eý, Mugallym[a], baky ýaşaýşa
eýe bolar ýaly, men näme ýagşy iş
etmeli?» diýip sorady. 17 Isa: «Näme
üçin Menden ýagşylyk hakynda so-
raýarsyň? Ýeke-täk Hudaýdan başga
hiç kim ýagşy däldir. Baky ýaşaýşa
gowuşmak isleýän bolsaň, Hudaýyň
tabşyryklaryny berjaý et» diýdi. 18-19 Ol
Isadan: «Haýsy tabşyryklaryny?» diýip
sorady. Isa: «Adam öldürme, zyna et-
me, ogurlyk etme, ýalan şaýatlyk etme,
ata-eneňe hormat goý, ýakynyňy özüňi
söýşüň ýaly söý» diýip jogap berdi.
20 Ýaş ýigit Isadan: «Men bularyň hem-
mesini ýaşlygymdan bäri berjaý edip
gelýärin-ä, men ýene näme etmeli?»
diýip sorady. 21 Isa oňa: «Müýnsüz bo-
laýyn diýseň, git-de, nämäň bar bolsa
satyp, garyplara paýla, şonda gökde
hazynaň bolar. Soňra gel-de, Meniň
yzyma düş» diýdi. 22 Ýaş ýigit bu sözi
eşidip, tukat bolup gitdi, sebäbi onuň
mal-mülki köpdi.

23 Isa şägirtlerine: «Size dogrusyny
aýdýaryn, baý adamyň Gögüň Şalygyna
girmegi kyndyr. 24 Men size ýene-de
şuny aýdýaryn, bir düýäniň iňňäniň
gözünden geçmegi baý adamyň Huda-
ýyň Şalygyna girmeginden aňsatdyr»
diýdi. 25 Muny eşidenlerinde, şägirtleri
çakdanaşa haýran galyp: «Onda kim
halas bolup biler?» diýip soradylar.
26 Isa olara seredip: «Ynsanlar üçin
bu mümkin däl, emma Hudaý üçin
ähli zat mümkindir» diýdi. 27 Onsoň
Petrus Oňa: «Ine, biz ähli zadymyzy
taşlap, Seniň yzyňa düşdük! Munuň
üçin biz näme alarys?» diýdi. 28 Isa
olara: «Size dogrusyny aýdýaryn, ähli
zadyň täzelenen döwri Ynsan Ogly Öz
şöhratly tagtynda oturanda, Meniň yzy-
ma düşen siz hem on iki tagtda oturyp,
Ysraýylyň on iki tiresine kazylyk eder-
siňiz. 29 Meniň hatyram üçin öýlerini,
doganlaryny, uýalaryny, ene-atasyny [b],
çaga-çugalaryny, ýerlerini taşlan her
kes yzyna ýüz esse edip gaýtaryp alar.
Olar baky ýaşaýşyň mirasdüşeri bolarlar.
30 Emma ilkinjileriň köpüsi soňkular,
soňkularyň köpüsi hem ilkinjiler bo-
lar» diýdi.

---

[a] **19:16** Bu sözlem käbir golýazmalarda *«Eý, ýagşy Mugallym»* diýip duş gelýär.
[b] **19:29** Käbir golýazmalarda *aýalyny* diýen söz hem bar.

---

**19:18-19** Msr 20:13-16; Lew 19:18; Kan 5:16-20.

## 20-nji bap

### *Üzümçilik tymsaly*

1 Gögüň Şalygy üzümçiliginde işlär
ýaly, ir ertir bilen günlükçi tutmaga
giden ýer eýesine meňzeýändir. 2 Ol
günlükçiler bilen bir günlük iş hakyny
bir kümüş teňňä razylaşyp, olary öz
üzümçiligine ýollaýar. 3 Ir sagat dokuz-
larda daşary çykan wagty, ol bazarda
bikär duran birnäçe adamlary görýär.
4 Olara-da: «Siz hem üzümçilige gidiň,
hakyňyzy doly tölärin» diýýär. Olar
hem gidýärler. 5 Günortan we öýlän sagat
üçlerde ýene daşary çykyp, ýene şeýle
edýär. 6 Öýlän sagat bäşlerde aýlanmaga
çykan wagty, başga boş duranlary görüp,
olardan: «Näme üçin günuzyn bu ýerde
boş dursuňyz?» diýip soraýar. 7 Olar hem:
«Bizi hiç kim hakyna tutmady» diýip
jogap berýärler. Olara: «Siz-de üzümçi-
lige gidiň» diýýär. 8 Agşam düşen çagy,
üzümçiligiň eýesi öz iş dolandyryjysyna:
«Günlükçileri çagyr-da, iň soňkulardan
başlap, ilkinjilere çenli haklaryny töle»
diýýär. 9 Şeýlelikde, öýlän sagat bäşlerde
gelenleriň her biri bir kümüş teňňe alýar.
10 Ilkinji gelenler köp alarys öýdüp tama
edýärler, emma olaryň-da her biri bir
kümüş teňňe alýar. 11 Olar puluny alan
wagtlary ýer eýesine hüňürdeşip: 12 «Bu
iň soňky gelenler diňe bir sagat işlediler,
biz bolsa, jöwzaly yssyda günuzyn agyr
zähmet çekdik. Muňa garamazdan sen
biziň zähmetimizi olaryňky bilen deň
etdiň» diýýärler. 13 Ýer eýesi olaryň bi-
rine şeýle jogap berýär: «Eý, dost! Men
saňa adalatsyzlyk edemok. Sen meniň
bilen bir kümüş teňňä razylaşmadyňmy
näme? 14 Öz hakyňy al-da, gidiber. Men
bu iň soňka-da saňa berenimi bermek
isleýärin. 15 Öz pulumy isleýşimçe sarp
etmäge ygtyýarym ýokmy? Ýa-da sen
meniň sahylygyma göriplik edýärsiň-
mi?» 16 Şeýlelikde, iň soňkular ilkinjiler,
ilkinjiler hem iň soňkular bolar. [a]

### *Isa Özüniň ölüp direljegini ýene aýdýar*
*(Mark 10:32-34; Luka 18:31-34)*

17 Isa Iýerusalime barýarka, ýolda on iki
şägirdini bir çete çekip, olara: 18 «Ine, Iýe-
rusalime barýarys. Ynsan Ogly ýolbaşçy
ruhanylaryň, Töwrat mugallymlaryň
eline tabşyrylar, olar hem Ony ölüme
höküm ederler. 19 Ony kemsitsinler, gam-
çylasynlar we haça çüýlesinler diýip,
keseki milletlere tabşyrarlar, emma Ol
üçülenji gün direler» diýdi.

### *Bir enäniň haýyşy*
*(Mark 10:35-45)*

20 Soňra Zebedeýiň ogullarynyň ejesi
öz ogullary bilen Isanyň ýanyna geldi.
Ol Isadan bir zatlar dilemek üçin dyzy-
na çöküp, tagzym etdi. 21 Isa aýaldan:
«Näme isleýärsiň?» diýip sorady. Aýal
Isa ýüzlenip: «Öz Şalygyňda meniň bir
oglumyň Seniň sagyňda, beýlekisiniň
bolsa çepiňde oturmagyny emr et» diýdi.
22 Emma Isa: «Siz näme dileýäniňizi
bilmeýärsiňiz. Siz Meniň içjek hasrat
käsämden içip bilersiňizmi? [b]» diýdi.
Olar Isa: «Hawa, içip bileris!» diýip
jogap berdiler. 23 Isa olara: «Siz Me-
niň içjek käsämden içersiňiz [ç], emma

---

[a] **20:16** Käbir golýazmalarda *Çünki çagyrylanlar köp, saýlananlar azdyr* diýen jümle hem bar.
[b] **20:22** Käbir golýazmalarda *Meniň çümdürilişim ýaly çümdürilip bilersiňizmi?* diýen jümle hem bar.
[ç] **20:23** Käbir golýazmalarda *Meniň çümdürilişim ýaly çümdürilersiňiz* diýen jümle hem bar.

size sagymda ýa çepimde oturmaga
rugsat bermek Meniň elimde däl. Bu
orunlary Atam kimler üçin taýýarlan
bolsa, şolar üçindir» diýdi. 24 Beýleki
on şägirt muny eşidip, ýaňky iki do-
gana gaharlandylar. 25 Isa olary ýanyna
çagyryp: «Özüňiz bilýärsiňiz, keseki
milletleriň baştutanlary olara höküm-
darlyk edýärler, ýokary wezipelileri-de
agalyk edýärler. 26 Siziň araňyzda beýle
bolmasyn. Araňyzda kim üstün bolmak
isleýän bolsa, beýlekileriň hyzmatkäri
bolsun. 27 Kim ilkinji bolmak isleýän
bolsa, hemmäňiziň guly bolsun. 28 Yn-
san Ogly hem Özüne hyzmat edilmegi
üçin däl-de, eýsem, başgalara hyzmat
etmek üçin, köpleriň ugrunda janyny
gurban edip, olary azat etmek üçin
geldi» diýdi.

### *Iki körüň gözi açylýar*
*(Mark 10:46-52; Luka 18:35-43)*

29 Isa bilen şägirtleri Ýerihodan çy-
kanlarynda, uly mähelle Isanyň yzyna
düşüp gitdi. 30 Ýoluň gyrasynda otu-
ran iki sany kör adam Isanyň geçip
barýanyny eşidip: «Agam, eý, Dawut
Ogly, bize rehim et!» diýip gygyrdy.
31 Seslerini çykarmaz ýaly, köp adamlar
olara käýediler, emma olar öňküden
hem gaty ses bilen: «Agam, eý, Dawut
Ogly, bize rehim et!» diýip gygyrdylar.
32 Isa aýak çekdi-de, olary çagyryp:
«Siziň üçin näme etmegimi isleýärsi-
ňiz?» diýip sorady. 33 Olar Oňa: «Agam,
gözümiz açylsyn» diýdiler. 34 Isanyň
olara haýpy gelip, gözlerine elini
degirdi welin, şobada olaryň gözleri
açyldy. Olar hem Isanyň yzyna düşüp
gidiberdiler.

## 21-nji bap

### *Isa Iýerusalime uly dabara bilen girýär*
*(Mark 11:1-11; Luka 19:28-40; Ýohanna 12:12-19)*

1 Isa bilen şägirtleri Iýerusalime go-
laýlap, Zeýtun dagynyň etegindäki
Beýtfaja gelenlerinde, Isa iki şägirdini
öňden ýollap, olara: 2 «Öňüňizdäki oba
baryň. Oba giren ýeriňizde daňylgy
duran bir eşegi we ýanyndaky taýha-
ry taparsyňyz, olary çözüň-de, Meniň
ýanyma getiriň. 3 Eger biri size bir zat
diýse: „Bu taýhar Rebbe gerek, ony des-
sine yzyna iberer“ diýip aýdyň» diýdi.
4 Bu-da pygamber arkaly aýdylan şu
sözüň berjaý bolmagy üçindi:
5 «Eý, Sion gyzy!
Patyşaň, ine, saňa tarap gelýär.
Ol bir eşege,
eşegiň-de taýharyna münüp,
pes göwünlilik bilen saňa tarap
gelýär».
6 Şägirtler gidip, Isanyň tabşyryşy ýaly
etdiler. 7 Eşek bilen taýhary getirdiler-
de, donlaryny olaryň üstüne atdylar,
Isa-da taýhara mündi. 8 Mähelläniň kö-
püsi donuny ýola ýazýardy, käbirleri-de
agaçlardan şahalar kesip, ýola düşeýärdi.
9 Onuň öňünden hem yzyndan gelýän
mähelle: «Dawut Ogluna alkyş bolsun!
Rebbiň adyndan gelýäne alkyş bolsun,
göklerde alkyş!» diýip gygyryşýardy.
10 Isa Iýerusalime girende, tutuş şäher:
«Bu kim?» diýip, galagopluga düşdi.
11 Mähelle hem olara: «Bu Jeliläniň Na-
syra şäherinden bolan Isa pygamber»
diýýärdi.

**21:5** Zak 9:9. **21:9** Zeb 117:25-26.

### *Isa satyjylary ybadathanadan kowýar*
*(Mark 11:15-19; Luka 19:45-48; Ýohanna 2:13-22)*

12 Isa ybadathananyň howlusyna girip,
ol ýerdäki satyjylary, alyjylary kowdy.
Ol pul çalyşýanlaryň tekjelerini, kepde-
ri satýanlaryň oturgyçlaryny düňderdi.
13 Isa olara: «„Meniň öýüm ybadat öýi
diýlip atlandyrylar“ diýip ýazylgydyr,
siz bolsa muny garakçylaryň sürenine
öwürýärsiňiz» diýdi. 14 Ybadathanada
körler, agsaklar Isanyň ýanyna geldiler.
Isa olary sagaltdy. 15 Ýolbaşçy ruhanylar
bilen Töwrat mugallymlary Onuň gör-
kezen gudratlaryny we ybadathanada:
«Dawut Ogluna alkyş!» diýip gygyrýan
çagalary görenlerinde gazaba mündüler.
16 Olar Isadan: «Bularyň näme diýýänini
eşidýärsiňmi?» diýip soradylar. Isa olara:
«Hawa, eýsem siz: „Çagalaryň, bäbek-
leriň dilinde alkyş senasyny ýaratdyň“
diýen sözleri asla okamadyňyzmy?»
diýdi.

17 Isa olary şol ýerde galdyryp, şäher-
den çykyp gitdi. Ol Beýtaniýa gelip,
gijäni şol ýerde geçirdi.

### *Guran injir agajy*
*(Mark 11:12-14,20-24)*

18 Isa ir säher bilen şähere dolanyp
gelýärkä ajykdy. 19 Ýoluň gyrasynda bir
injir agajyny görüp, onuň ýanyna geldi,
emma onda ýaprakdan başga hiç zat
tapmady. Isa agaja: «Mundan beýläk
sende asla miwe bitmesin!» diýdi. In-
jir agajy şol pursadyň özünde gurady.
20 Şägirtler muny görüp: «Injir agajy şol
pursadyň özünde nädip gurady?» diý-
şip haýran galdylar. 21 Isa olara: «Size
dogrusyny aýdýaryn, imanyňyz bolup,
şübhe etmeseňiz, siz diňe bu injir aga-
jyna edilen bilen çäklenmän, eýsem, şu
daga: „Göteril-de, deňze zyňyl“ diýse-
ňiz-de, ol bolar. 22 Imanyňyz bar bolsa,
doga-dileg edeniňizde, näme dileseňiz,
alarsyňyz» diýip jogap berdi.

### *Isanyň erk-ygtyýary barada sowal*
*(Mark 11:27-33; Luka 20:1-8)*

23 Isa ybadathananyň howlusyna gelip,
sapak berip otyrka, ýolbaşçy ruhanylar,
halkyň ýaşululary Onuň ýanyna gelip:
«Sen bu zatlary haýsy ygtyýar bilen
edýärsiň? Saňa bu ygtyýary kim ber-
di?» diýip soradylar. 24 Isa olara: «Men
hem size bir sowal berjek. Maňa jogap
berseňiz, size bu zatlary haýsy ygtyýar
bilen edýänimi aýdaýyn. 25 Ýahýa suwa
çümdürmäge ygtyýary nireden aldy?
Gökdenmi ýa-da ynsandan?» diýip so-
rady. Olar muny özara maslahatlaşmaga
başladylar: «Eger Gökden diýsek, Ol bi-
ze: „Onda näme üçin oňa ynanmadyňyz?“
diýer. 26 Ynsandan diýmäge-de halkdan
gorkýarys, sebäbi hemmeler Ýahýany py-
gamber saýýar». 27 Ahyry olar Isa: «Biz
bilemzok» diýip jogap berdiler. Isa-da
olara: «Menem size bu zatlary haýsy
ygtyýar bilen edýänimi aýtjak däl» diýdi.

### *Iki ogul tymsaly*

28 Isa söze başlady: «Siz muňa näme
diýersiňiz? Bir adamyň iki ogly bar
eken. Ol birinji oglunyň ýanyna baryp:
„Oglum, bu gün git-de, üzümçilikde işle“
diýýär. 29 Emma ol: „Gitjek däl!“ diýip
jogap berýär. Ýöne soňrak muňa gaýtmy-
şym edip, ol ýere gidýär. 30 Ýaňky adam
ikinji oglunyň ýanyna baryp, oňa-da şol
sözi aýdýar. Ol bolsa: „Bolýar, hojaýyn,

**21:13** Işa 56:7. **21:16** Zeb 8:3.

bararyn!“ diýip jogap berýär, emma
gitmeýär. 31 Bularyň ikisinden haýsysy
kakasynyň islegini ýerine ýetirdi?» Olar:
«Birinjisi» diýip jogap berdiler. Isa olara:
«Size dogrusyny aýdýaryn, salgytçylar
we lolular Hudaýyň Şalygyna sizden
öň girerler. 32 Ýahýa size dogry ýol gör-
kezmäge geldi, siz oňa ynanmadyňyz,
emma salgytçylar we lolular oňa ynan-
dylar. Siz muny göreniňizden soň hem
ökünmediňiz, oňa ynanmadyňyz» diýdi.

### *Üzümçilik we kärendeçiler tymsaly*
*(Mark 12:1-12; Luka 20:9-19)*

33 «Ýene bir tymsala gulak asyň: bir
ýer eýesi bar eken. Ol üzüm baglaryny
oturdyp, daşyna haýat aýlaýar. Şerap
ýasamak üçin üzüm sykmaga çukur gaz-
ýar we gözegçilik diňini guryar. Onsoň
üzümçiligini bagbanlara kärendesine
berip, özi uzak ýola gidýär. 34 Hasyl
möwsümi gelende, üzümiň miwesinden
alyp gelmek üçin, ol hyzmatkärlerini
kärendeçileriň ýanyna iberýär. 35 Kä-
rendeçiler onuň hyzmatkärlerini tutup,
birini ýenjýärler, başga birini öldürýärler,
beýlekisini-de daşlaýarlar. 36 Üzümçiligiň
eýesi öňküden hem köp hyzmatkärlerini
iberýär. Kärendeçiler olara-da öňküle-
re edenlerini edýärler. 37 Ahyrsoňunda
üzümçiligiň eýesi: „Oglumy sylarlar“
diýip, öz ogluny iberýär. 38 Emma kären-
deçiler biri-birlerine: „Mirasdar şudur!
Geliň, şuny öldürip, mirasyny elinden
alalyň“ diýişýärler. 39 Olar ony tutup
öldürýärler we üzümçiligiň daşyna taş-
laýarlar. 40 Indi üzümçiligiň eýesi gelip,
bu kärendeçilere näme eder?» 41 Olar
Isa: «Bu pis adamlary aýylganç ölüme
sezewar eder we üzümçiligini bolsa
miwesini wagtynda özüne berjek başga
kärendeçilere berer» diýdiler. 42 Isa olar-
dan: «Siz näme Mukaddes Ýazgylarda:

„Ussalaryň ret eden daşy,
binanyň burç daşy boldy.
Muny Reb etdi,
bu nazarymyzda täsin saýyldy“

diýen sözleri okamadyňyzmy?» diýip
sorady.
43 «Munuň üçin size şeýle diýýärin:
Hudaýyň Şalygy sizden alnyp, Şalyk
üçin hasyl öndürjek halka berler. 44 Bu
daşyň üstüne ýykylan bölek-bölek bo-
lar. Eger ol biriniň üstüne gaçsa, ony
mynjyradar». 45 Ýolbaşçy ruhanylardyr
fariseýler Onuň tymsallaryny eşiden-
lerinde, gürrüňiň özleri baradadygyny
aňdylar. 46 Ony tutjak boldular, ýöne
halkdan gorkdular, sebäbi halk Isany
pygamber saýýardy.

## 22-nji bap

### *Gelin toý tymsaly*
*(Luka 14:15-24)*

1 Isa olara ýene-de tymsallar arkaly
gürrüň berdi: 2 «Gögüň Şalygy öz ogly
üçin gelin toýuny tutan patyşa meňze-
ýändir. 3 Ol toýa çagyrylanlara habar
etmek üçin hyzmatkärlerini iberýär,
emma çagyrylanlar gelmek islemeýär-
ler. 4 Patyşa ýene başga hyzmatkärleri
iberip, olara: „Çagyrylanlara aýdyň, ine,
men toý saçagyny taýýarlap goýdum.
Öküzlerim, semiz mallarym soýuldy,
ähli zat taýýar, toýa gelsinler“ diýýär.
5 Emma olar üns hem bermeýärler, biri
öz ekin meýdanyna gidýär, ýene biri öz
söwdasynyň ugrunda gezýär. 6 Başgalary
bolsa onuň hyzmatkärlerini tutup azar
berýärler, olary öldürýärler. 7 Şeýlelikde,
patyşa gazap donuny geýýär. Ol goşun

**21:42** Zeb 117:22-23.

ýollap, ýaňky ganhorlary derbi-dagyn
edýär, şäherlerini otlaýar.
8Onsoň patyşa hyzmatkärlerine: „Toý
saçagy taýýar, emma çagyrylanlar muňa
mynasyp däl eken. 9Köçelere çykyň-da,
kimi tapsaňyz, toýa çagyryň“ diýýär.
10Hyzmatkärler ýollara çykyp, ýaman
diýmän, ýagşy diýmän, tapanlarynyň ba-
ryny üýşürýärler, toýhana myhmanlardan
dolýar. 11Patyşa myhmanlary görmäge
girende, onuň toý geýimini geýmedik bir
adama gözi düşýär. 12Oňa: „Eý, dost, sen
toý geýimini geýmän, bu ýere nädip girip
bildiň?“ diýip soraýar. Şonda ol adamyň
dili tutulýar. 13Onsoň patyşa hyzmat-
kärlerine: „El-aýagyny daňyň-da, ony
daşary, garaňkylyga taşlaň, ol ýerde agy
we diş gyjama bolar“ diýýär. 14Çünki ça-
gyrylanlar köp, emma saýlananlar azdyr».

### *Imperatoryňky – imperatora*
*(Mark 12:13-17; Luka 20:20-26)*

15Soňra fariseýler gidip, Ony gepde tut-
mak barada maslahat etdiler. 16Hirodyň
tarapdarlarynyň birnäçesini Onuň ýanyna
iberdiler. Olar Isadan: «Mugallym! Biz
Seniň dogruçyldygyňy, Hudaýyň ýoluny
hakykat bilen öwredýändigiňi, hiç kime
tarapgöýlik etmeýändigiňi bilýäris, sebäbi
Sen adamlaryň derejesine bakmaýarsyň.
17Hany, bize aýt, Seniň pikiriňçe, impe-
ratora salgyt tölemek dogrumy ýa dogry
däl?» diýip soradylar. 18Isa olaryň niýet-
leriniň ýamandygyny bilip: «Meni näme
üçin synaýarsyňyz, eý, ikiýüzlüler? 19Ma-
ňa salgyt puluny görkeziň» diýdi. Olar Isa
bir kümüş teňňe getirdiler. 20Isa olara: «Şu
şekil bilen ýazgy kimiňki?» diýip sora-
dy. 21Olar: «Imperatoryňky» diýip jogap
berdiler. Şonda Isa olara: «Onda impera-
toryňkyny – imperatora, Hudaýyňkyny
Hudaýa beriň» diýdi. 22Olar muny eşiden-
lerinde, haýran galdylar. Şeýdip, olar Isany
taşlap, ol ýerden gitdiler.

### *Direliş barada sowal*
*(Mark 12:18-27; Luka 20:27-40)*

23Ölümden soň direlişiň ýokdugyny
aýdýan saddukeýler Isanyň ýanyna gelip,
Oňa şeýle sorag berdiler: 24«Mugallym!
Musa bize bir adam perzentsiz ölüp gitse,
dogany onuň dul aýalyny alyp, ölen doga-
nynyň neslini dowam etdirmelidir diýip
aýdypdyr. 25Biziň aramyzda ýedi dogan
bardy. Birinjisi öýlendi-de öldi. Zürýady
bolmansoň, aýalyny doganyna galdyrdy.
26Ikinjisi, üçünjisi, tä ýedinjisine çenli
hemmesinde şol bir ýagdaý gaýtalandy.
27Olaryň hemmesinden soň ol aýal hem
öldi. 28Indi direliş güni bu aýal olaryň
haýsysynyň aýaly bolar? Olaryň ýedisi
hem oňa öýlenipdi ahyryn». 29Isa olara
şeýle jogap berdi: «Siz ne Mukaddes
Ýazgylary, ne-de Hudaýyň gudratyny
bilýärsiňiz, ine, şu sebäpden ýalňyşýar-
syňyz. 30Ynsanlar ölümden direlende,
ne öýlenerler, ne-de durmuşa çykarlar,
olar göklerdäki perişdeler ýaly bolarlar.
31Ölüleriň direlişi babatda bolsa, siz
Hudaýyň özüňize: 32„Men Ybraýymyň,
Yshagyň, Ýakubyň Hudaýydyryn“ diýe-
nini okamadyňyzmy? Ol ölüleriň däl-de,
dirileriň Hudaýydyr». 33Mähelle muny
eşidip, Onuň taglymatyna haýran galdy.

### *Iň uly tabşyryk*
*(Mark 12:28-34; Luka 10:25-28)*

34Fariseýler Isanyň saddukeýleriň ag-
zyny ýumdurandygyny eşidenlerinde,
bir ýere ýygnanyşdylar. 35Olardan bir
Töwrat mugallymy Isany synamak üçin:
36«Mugallym, Töwratda iň uly tabşyryk

**22:24** Kan 25:5-6. **22:32** Msr 3:6,15.

näme?» diýip sorady. 37 Isa oňa şeýle
jogap berdi: «Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýü-
regiňiz, ähli düşünjäňiz bilen jan-tenden
söýüň. 38 Şu birinji we iň uly tabşyrykdyr.
39 Ikinjisi bolsa şunuň ýalydyr: „Ýaky-
nyňy özüňi söýşüň ýaly söý“. 40 Tutuş
Töwrat bilen pygamberleriň ýazgylary
şu iki tabşyryga baglydyr».

### *Mesih kimiň ogly?*

*(Mark 12:35-37; Luka 20:41-44)*

41 Fariseýler üýşüp durkalar, Isa
olardan: 42 «Mesih barada näme pikir
edýärsiňiz? Ol kimiň ogly?» diýip so-
rady. Olar hem Isa: «Ol Dawudyň ogly»
diýip jogap berdiler. 43 Isa olara şeýle
diýdi: «Onda näme üçin Dawudyň özi
Mukaddes Ruhdan ylham alyp, Mesihe
Reb diýýär? Ol şeýle diýipdir:
44 „Hudaý Rebbime şeýle sözledi:
Duşmanlaryňy aýak astyna
salýançam,
Meniň sagymda otur“.
45 Eger Dawut Mesihe Reb diýýän bolsa,
Ol nähili Dawudyň ogly bolýar?» 46 Isa-
nyň soragyna hiç kim jogap berip bilmedi.
Şol günden başlap, Oňa mundan artyk so-
rag bermäge hiç kim milt etmedi.

## 23-nji bap

### *Waý halyňyza!*

*(Mark 12:38-40; Luka 11:39-52; 20:45-47)*

1 Soňra Isa halka we Öz şägirtlerine şeý-
le gürrüň berdi: 2 «Töwrat mugallymlary
bilen fariseýler Musanyň ornunda otyrlar.
3 Şonuň üçin olaryň size aýdýanlarynyň
baryny ýerine ýetirip, berjaý ediň, em-
ma olaryň edenlerini etmäň, sebäbi
aýdýan zatlaryny özleri edýän däldirler.
4 Olar agyr, götermesi kyn ýükleri bag-
lap, adamlaryň gerşine goýýandyrlar,
ýöne özleri bu ýükleri götermek üçin,
barmagyny hem gymyldatmak isleýän
däldirler. 5 Olar ähli edýän zatlaryny göz
üçin edýändirler. Töwrat aýatlar gutujy-
gyny giňeldip, donlarynyň gotazlaryny
uzaldýandyrlar. 6 Toýlarda töri, sinago-
galarda baş kürsüleri, 7 bazarlarda salam
almagy, adamlaryň özlerine „mugallym“
diýmeklerini halaýandyrlar. 8 Siz özüňize
„mugallym“ diýdirmäň, sebäbi siziň bir
Mugallymyňyz bardyr. Siziň hemmäňiz
dogansyňyz. 9 Ýer ýüzünde hiç kime „ata“
diýmäň, sebäbi siziň bir Ataňyz bardyr,
Ol hem gökdedir. 10 Özüňize „baştutan“
diýdirmäň, sebäbi siziň bir Baştutanyňyz
bardyr, Ol hem Mesihdir. 11 Araňyzda
beýik saýylýan hemmäňize hyzmatkär
bolsun. 12 Kim özüni ýokary tutsa, pe-
seldiler, kim özüni pes tutsa, beýgeldiler.
13 Waý halyňyza, Töwrat mugallymlary
we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz Gö-
güň Şalygyna girmäge adamlaryň öňüni
baglaýarsyňyz, oňa ne özüňiz girýärsi-
ňiz, ne-de girjeklere ýol berýärsiňiz. [a]
15 Waý halyňyza, Töwrat mugallymlary
we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz ýekeje
adamy öz diniňize saljak bolup, deňizlere,
düzlere aýlanýarsyňyz. Diniňize salany-
ňyzdan soň bolsa, ony özüňizden hem
iki esse köp dowzahyň jezasyna sezewar
edýärsiňiz. 16 Waý halyňyza, eý, kör ýol-
başçylar! Siz: „Kim ybadathanadan ant

[a] **23:13** Käbir golýazmalarda 14-nji aýat duş gelýär: *Waý halyňyza, Töwrat mugallymlary we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz dul aýallaryň öýlerini talap, göz üçin uzyn-uzyn dogalar okan bolýarsyňyz. Şonuň üçin hem siz iň agyr jeza sezewar bolarsyňyz.*

**22:37** Kan 6:5. **22:39** Lew 19:18. **22:44** Zeb 109:1.

içse, bu hiç zat saýylar, emma kim ybadat-
hananyň altynyndan ant içse, ol öz antyny
berjaý etmäge borçludyr“ diýýärsiňiz 17Eý,
nadan körler! Haýsysy uly: altynmy ýa-
da altyny mukaddes edýän ybadathana?
18Şeýle-de, siz: „Kim gurbanlyk sypa-
syndan ant içse, bu hiç zat saýylar, emma
kim onuň üstündäki sadakadan ant içse,
öz antyny berjaý etmäge borçly bolar“
diýýärsiňiz. 19Eý, körler! Haýsysy uly: sa-
dakamy ýa-da sadakany mukaddes edýän
gurbanlyk sypasy? 20Gurbanlyk sypasyn-
dan ant içýän, ondan hem, onuň üstündäki
ähli zatdan hem ant içýändir. 21Ybadatha-
nadan ant içýän, ondan hem, onda mekan
tutan Hudaýdan hem ant içýändir. 22Gök-
den ant içýän, Hudaýyň tagtyndan hem,
onda Oturandan hem ant içýändir.

23Waý halyňyza, Töwrat mugallymlary
we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz narpyz-
dan, arpabadyýadan we zireden ondan
bir bölegi berýärsiňiz, emma Mukaddes
Kanunyň has wajyp işlerini: adyllygy,
rehimdarlygy, imany taşlaýarsyňyz. Bu-
laryň birini berjaý edip, beýlekilerini
taşlamaly dälsiňiz. 24Eý, körleri idýänler!
Siz suwy süzüp, çybyny aýyrýarsyňyz,
emma düýäni ýuwudýarsyňyz! 25Waý
halyňyza, Töwrat mugallymlary we fa-
riseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz käsedir
gap-çanagyň daşyny arassalaýarsyňyz,
emma olaryň içi açgözlükden hem bet-
nebislikden doludyr. 26Eý, kör fariseý!
Sen ilki bilen käsedir gap-çanagyň içini
arassala, şonda olaryň daşy-da arassa
bolar. 27Waý halyňyza, Töwrat mugal-
lymlary we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler!
Siz agardylyp, daşyndan owadan görün-
ýän, emma içi ölüleriň süňkleridir her
tüýsli murdarlykdan doly mazarsyňyz.
28Siz hem daşyňyzdan adamlara dogry
adam ýaly görünýärsiňiz, emma içiňiz
ikiýüzlülikden we pislikden doludyr.

29Waý halyňyza, Töwrat mugallymlary
we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz py-
gamberleriň guburlaryny dikip we dogry
adamlaryň ýadygärliklerini bezäp: 30„Biz
ata-babalarymyzyň döwründe ýaşan
bolsak, pygamberleriň ganyny dökmek-
de olara şärik bolmazdyk“ diýýärsiňiz.
31Şeýlelik bilen, pygamberleri öldüren-
leriň ogullarydygyňyza özüňiz güwä
geçýärsiňiz. 32Beýle bolsa, ata-babala-
ryňyzyň başlan işlerini tamamlaň indi!

33Eý, ýylanlar! Eý, alahöwrenler nesli!
Siz dowzahyň jezasyndan nähili gaç-
jaksyňyz? 34Şonuň üçin hem Men size
pygamberleri, akyldarlary we Töwrat
mugallymlaryny ýollaýaryn. Siz olaryň
käbirini öldürersiňiz, haça çüýlärsiňiz,
käbirini sinagogalaryňyzda ýenjersiňiz,
şäherden-şähere yzarlarsyňyz. 35Şeýlelik-
de, ýer ýüzünde bigünä dökülen her bir
dogry adamyň ganyna siz jogapkärsiňiz.
Habylyň ganyndan başlap, ybadathana
bilen gurbanlyk sypasynyň arasynda si-
ziň öldüren Berekýanyň ogly Zekarýanyň
ganyna çenli siz jogapkärsiňiz. 36Size
dogrusyny aýdýaryn: bu zatlaryň ählisine
şu nesil jogapkärdir. 37Eý, Iýerusalim! Py-
gamberleri öldürýän, özüne ýollananlary
daşlaýan Iýerusalim! Towugyň öz jüýje-
lerini ganatlarynyň aşagyna ýygnaýşy
ýaly, Men hem seniň çagalaryňy ençe-
me gezek ýygnajak boldum, emma siz
muny islemediňiz. 38Ine, öýüňiz haraba
öwrüler. 39Size şuny aýdaýyn: „Rebbiň
adyndan Gelýäne alkyş bolsun!“ diý-
ýänçäňiz, Meni gaýtadan görmersiňiz».

## 24-nji bap

***Dünýäniň ahyrynyň alamatlary***
*(Mark 13:1-31; Luka 21:5-33)*

1Isa ybadathanadan çykyp barýarka,
şägirtleri ybadathananyň binalaryna

guwanyp, ony Isa görkezmek üçin, Onuň
ýanyna geldiler. 2 Emma Isa olara: «Bu
ähli zatlary görýäňizmi? Size dogrusy-
ny aýdýaryn: bu ýerde daş üstünde daş
galmaz, hemmesi weýran bolar» diýdi.
3 Soňrak Isa ýeke Özi Zeýtun da-
gynda otyrka, şägirtleri Onuň ýanyna
gelip: «Bize aýtsana, bu zatlar haçan
bolar? Seniň gelmegiňi we dünýäniň
ahyryny görkezýän alamat nähili bo-
lar?» diýip soradylar. 4 Isa olara şeýle
jogap berdi: «Ägä boluň, hiç kim sizi
aldaýmasyn! 5 Köpler Meniň adym bilen
gelip: „Men Mesih“ diýip, ençeme adam-
lary aldarlar. 6 Siz uruş turandygy we
uruş baradaky myş-myşlary eşidersiňiz.
Hiç zatdan gorkmaň. Bular bolmalydyr,
ýöne entek soňy däldir. 7 Millet mille-
te, patyşalyk patyşalyga garşy çykar.
Aýry-aýry ýerlerde ýer titremeler, aç-
lyklar [a] ýüze çykar. 8 Bularyň hemmesi
burgularyň başlangyjydyr. 9 Soňra sizi
yzarlanmalara sezewar ederler, öldü-
rerler, Men sebäpli ähli milletler sizi
ýigrenerler. 10 Şonda köpler Menden el
çekip, bir-birlerine haýynlyk ederler,
bir-birlerini ýigrenerler. 11 Ençeme galp
pygamberler döräp, köpleri azdyrarlar.
12 Ýaman işleriň artanlygy zerarly, köp-
leriň söýgüsi sowar. 13 Emma soňuna
çenli çydan halas bolar. 14 Patyşalygyň
bu Hoş Habary ähli milletlere şaýatlyk
hökmünde dünýäniň ähli ýerinde wagyz
ediler, diňe şondan soň dünýäniň ahyry
geler. 15-16 Şonuň üçin hem weýrançylyk
getirýän ýigrenji zadyň mukaddes ýerde
dikilenini göreniňizde, Ýahudyýada-
kylar daglara gaçsyn. Hawa, Danyýel
pygamberiň aýdanlaryna okyjy dogry
düşünsin. 17 Üçekdäki adam bir zat almak
üçin aşak düşüp, öýe girmesin. 18 Ekin
meýdanyndakylar donuny almak üçin
yzyna gelmesin. 19 Ol günlerde göwreli
aýallaryň we çaga emdirýänleriň dat
gününe! 20 Gaça-gaçlygyňyz gyşda ýa-da
Sabat güni bolmasyn diýip dileg ediň.
21 Çünki ol günlerde şeýle bir elhenç
muşakgatlar bolar welin, dünýäniň ba-
şyndan tä şu wagta çenli munuň ýaly zat
bolan däldir, hiç haçan bolmazam. 22 Ol
günler gysgaldylmadyk bolsady, onda
hiç kim halas bolmazdy, emma saýlanan-
laryň hatyrasyna ol günler gysgaldylar.
23 Şonda biri size: „Ine, Mesih bu ýerde“
ýa-da „Anha, ol ýerde“ diýse, ynanmaň.
24 Çünki galp mesihler we galp pygam-
berler döräp, saýlananlary-da mümkin
boldugyça azdyrjak bolup, beýik ala-
matlardyr mugjyzalar görkezerler. 25 Ine,
Men size öňünden aýtdym.
26 Şeýlelikde, size: „Ine, Mesih çölde“
diýseler, gitmäň. „Ine, Ol içki otaglarda“
diýseler-de, ynanmaň. 27 Ynsan Oglunyň
gelşi gündogarda çakyp, günbatarda
hem görünýän ýyldyrym ýaly bolar.
28 Garaguşlaryň üýşmegi maslygyň bar-
dygynyň bir alamatydyr. Ynsan Ogly
hem bir alamat bilen geler. 29 Şol günleriň
muşakgatynyň yz ýany Gün garalar, Aý
nuruny saçmaz. Ýyldyzlar gökden gaçar,
asman jisimleri lerzana geler. 30 Şonda
gökde Ynsan Oglunyň alamaty görner.
Ýer ýüzündäki ähli halklar ýas tutup
perýat ederler. Ynsan Oglunyň beýik
gudrata we şöhrata beslenip, gögüň bu-
lutlarynda gelýänini görerler. 31 Ol belent
surnaý sesi bilen Öz perişdelerini ýollar.
Perişdeler Onuň saýlanlaryny gögüň bir
ujundan beýleki ujuna çenli, dünýäniň
dört künjünden ýygnarlar.
32 Injir agajyndan sapak alyň: onuň şa-
halary ýumşap, ýaprak çykaran mahaly

[a] **24:7** Käbir golýazmalarda *açlyklar hem gyrgyn keseli.*

tomsuň golaýlandygyny bilýärsiňiz.
33Şonuň ýaly-da, bu zatlary göreniňiz-
de, Ynsan Oglunyň golaý gelendigini,
gapynyň agzyndadygyny biliň. 34Size
dogrusyny aýdýaryn, bu zatlaryň ähli-
si bolýança, bu nesil dünýäden ötmez.
35Asman bilen ýer öter, emma Meniň
sözlerim asla ötmez.

### *Bilinmeýän gün we sagat*
*(Mark 13:32-37;*
*Luka 17:26-30,34-35; 12:41-48)*

36Emma ol güni hem sagady hiç kim
bilýän däldir, ne gökdäki perişdeler, ne-
-de Ogul[a] bilýändir, diňe Ata bilýändir.
37Nuhuň döwründe ýaşaýyş nähili bolan
bolsa, Ynsan Oglunyň gelşi-de şeýle
bolar. 38Nuhuň gämä münen gününe
çenli, silden öňki günlerde adamlar
iýip-içýärdiler, öýlenip, durmuşa çyk-
ýardylar. 39Äpet sil gelip, hemmesini
süpürip äkidýänçä, olar öz başlaryndan
injek zatlardan asla bihabardylar. Ynsan
Oglunyň gelşi hem şeýle bolar. 40Şonda
ekin meýdanynda iki adam bolar, biri
alnar, biri goýlar. 41Degirmen başynda
bugdaý üweýän iki aýal bolar, biri al-
nar, biri goýlar. 42Şonuň üçin oýa boluň,
sebäbi Rebbiňiziň haýsy gün geljegini
bilmeýärsiňiz. 43Emma şuny bilip go-
ýuň: öý eýesi ogrynyň gije sagat näçede
geljegini bilsedi, oýa bolardy, öýüni ta-
latmazdy. 44Munuň üçin siz hem taýýar
boluň, sebäbi Ynsan Ogly siziň oslama-
ýan sagadyňyzda geler.

45Hojaýynyň sadyk hem akylly hyz-
matkäri kim? Beýleki hyzmatkärlerine
wagtly-wagtynda nahar bermek üçin,
olaryň üstünden goýan adamy dälmi?
46Hojaýyny dolanyp gelende, işiniň ba-
şynda gören hyzmatkäri nähili bagtly!
47Size dogrusyny aýdýaryn: hojaýyny
ähli mal-mülküni şoňa ynanar. 48Emma
ýaman niýetli hyzmatkär öz içinden:
„Hojaýynym giç geler“ diýip, 49ýoldaşla-
ryny urmaga, serhoşlar bilen iýip-içmäge
başlar, 50emma ol hyzmatkäriň hojaýyny
onuň oslamaýan gününde, oýlamaýan
sagadynda geler. 51Ol hyzmatkärini
parça-parça edip, onuň başyna ikiýüz-
lüleriň gününi salar. Ol ýerde agy we
diş gyjama bolar».

## 25-nji bap

### *On gyz tymsaly*

1«Şonda Gögüň Şalygyny çyralaryny
alyp, giýewi garşylamaga çykan on gyza
meňzetse bolar. 2Olaryň bäşisi akylly,
bäşisi akylsyz eken. 3Akylsyzlar çyra-
laryny alýarlar, emma ýag almaýarlar.
4Akyllylar bolsa çyralary bilen birlikde
gaplarda ýag hem alýarlar. 5Giýew gijä
galanda, hemmesini uky basmarlaýar
we olar uklaýarlar. 6Ýary gije: „Anha,
giýew gelýär, garşylamaga çykyň!“ di-
ýen batly ses eşidilýär. 7Şonda ýaňky
gyzlaryň hemmesi oýanyp, çyralarynyň
ýagyny düzetmäge başlaýarlar. 8Akyl-
syzlar akyllylara: „Çyralarymyz sönüp
barýar, bize ýagyňyzdan biraz beräýiň“
diýýärler. 9Emma akyllylar: „Ýok! Bize-
-de, size-de ýetmän durmasyn. Gowusy,
gidiň-de, satyjylardan özüňize ýag satyn
alyň“ diýýärler. 10Olar ýag satyn almaga
giden wagty giýew gelýär. Taýýar duran
gyzlar onuň bilen bile toýhana girenle-
rinden, gapy ýapylýar. 11Bir salymdan

[a] **24:36** ***Ne-de Ogul*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok.

**24:37-39** Gçk 6:5-8; 7:6-24.

beýleki gyzlar hem gelip: „Aga! A-how,
aga! Gapyny açaý-da, biz geldik“ diý-
ýärler. 12 Emma giýew: „Size dogrusyny
aýdýaryn, men sizi asla tanamok“ diýip
jogap berýär. 13 Şonuň üçin hem oýa
boluň, sebäbi siz Ynsan Oglunyň geljek
anyk gününi we sagadyny bilmeýärsiňiz.

### *Üç hyzmatkär hakyndaky tymsal*
*(Luka 19:11-27)*

14 Gögüň Şalygy şunuň ýalydyr: bir
adam uzak ýola gitmekçi bolup, hyzmat-
kärlerini ýanyna çagyryp, mal-mülküni
olara tabşyrýar. 15 Bu adam olaryň her-
siniň başarnygyna laýyk: birine – bäş,
beýlekisine – iki, başga birine bir çuwal
altyn-kümüş berip, ýola rowana bolýar.
16 Bäş çuwal alan gidip, bu pul bilen söw-
da etmäge girişip, ýene bäş çuwal pul
gazanýar. 17 Iki çuwal alan-da şonuň ýaly
edip, ýene iki çuwal pul gazanýar. 18 Bir
çuwal alan bolsa gidip, çukur gazýar-da,
hojaýynyň beren puluny gömüp gizleýär.
19 Köp wagtdan soň bu hyzmatkär-
leriň hojaýyny gelip, olardan hasabat
soraýar. 20 Bäş çuwal alan hyzmatkär
gelip, öňki puluň üstüne ýene bäş çuwal
getirýär. Ol: „Hojaýyn! Sen maňa bäş
çuwal altyn-kümüş ynanypdyň, ine, men
ondan ýene bäş çuwal gazandym“ diý-
ýär. 21 Hojaýyny oňa: „Berekella, ýagşy
hem sadyk hyzmatkär! Sen kiçijik işde
sadyk bolanyň üçin, indi beýik işleri sa-
ňa ynanaryn. Gel, hojaýynyň şatlygyna
şärik bol!“ diýýär. 22 Iki çuwal alan hem
gelip: „Hojaýyn! Sen maňa iki çuwal
altyn-kümüş beripdiň, ine, men ondan
ýene iki çuwal gazandym“ diýýär. 23 Ho-
jaýyny oňa: „Berekella, ýagşy we sadyk
hyzmatkär! Sen kiçijik işde sadyklygyňy
görkezdiň, indi men seni beýik işleriň
başyna geçirerin. Gel, hojaýynyň şatly-
gyna şärik bol!“ diýýär. 24 Bir çuwal alan
hem gelip: „Hojaýyn, men seniň gaty
özdiýenli adamdygyňy bilýärdim. Sen
ekmedik ýeriňden orýarsyň, sepmedik
ýeriňden ýygýarsyň. 25 Şonuň üçin men
gorkdum, gidip, beren bir çuwal puluňy
ýere gömüp gizledim, ine, puluňy al!“
diýýär. 26 Hojaýyny oňa şeýle diýýär:
„Eý, erbet hem ýalta hyzmatkär! Sen
meniň ekmedik ýerimden orýandygy-
my, sepmedik ýerimden ýygýandygymy
bilýärmidiň? 27 Onda pulumy işewürlere
bermeli ekeniň-dä, men hem gelip, ony
peýdasy bilen alardym. 28 Indi oňa beren
bir çuwalymy alyň-da, on çuwalla beriň.
29 Kimde bar bolsa, oňa ýene berler, on-
daky bol bolar, emma kimde ýok bolsa,
onuň elindäki hem alnar. 30 Peýdasyz
hyzmatkäri daşary, garaňkylyga taşlaň.
Ol ýerde agy we diş gyjama bolar“.

### *Kyýamat güni*

31 Ynsan Ogly Öz şan-şöhratyna bes-
lenip, ähli perişdeleri bilen geler-de,
şöhratly tagtynda oturar. 32 Ähli milletler
Onuň huzuryna ýygnanarlar, çopanyň
goýunlary geçilerden saýlaýşy ýaly, Ol
hem olary biri-birinden saýlar. 33 Go-
ýunlary sagynda, geçileri hem solunda
goýar. 34 Onsoň Patyşa sagyndakylara
şeýle diýer: „Eý, Atamyň ýalkanlary!
Geliň-de, dünýä ýaradylandan bäri siziň
üçin taýýarlanan patyşalygy miras alyň.
35 Sebäbi Men açdym – nan berdiňiz,
teşnedim – suw berdiňiz, kesekidim –
myhman aldyňyz, 36 ýalaňaçdym – don
berdiňiz, hassadym – bejerdiňiz, zyn-
dandadym – görmäge geldiňiz“. 37 Şonda
dogry adamlar Oňa jogap berip diýerler:
„Ýa Reb, biz Seni haçan aç görüp, nan
berdik? Haçan teşne görüp, suw berdik?
38 Haçan Seni keseki görüp, myhman
aldyk ýa ýalaňaç görüp, don berdik?
39 Haçan Seni hassa ýa-da zyndanda

görüp, ýanyňa geldik?“. 40 Patyşa olara:
„Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň bu iň
pes saýylýan doganlarymdan birine ede-
niňizi Maňa edensiňiz“ diýip jogap berdi.
41 Onsoň solundakylara şeýle diýer: „Eý,
lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň,
iblis bilen onuň perişdelerine taýýar-
lanan ebedi oda ýanyň! 42 Sebäbi Men
açdym – nan bermediňiz, teşnedim – suw
bermediňiz, 43 kesekidim – myhman
almadyňyz, ýalaňaçdym – don bermedi-
ňiz, hassadym we tussagdym – ýanyma
gelip görmediňiz“. 44 Şonda olar: „Ýa
Reb, biz Seni haçan aç, teşne, keseki,
ýalaňaç, hassa ýa-da tussaglykda gö-
rüp-de, Saňa hyzmat etmedik?“ diýip
sorarlar. 45 Şonda olara: „Size dogrusyny
aýdýaryn, muny bu iň pes saýylýanlar-
dan birine etmedigiňizi, Maňa-da eden
dälsiňiz“ diýip jogap berdi. 46 Bular ebedi
jeza, dogry adamlar bolsa baky ýaşaýşa
gowşarlar».

## 26-njy bap

### *Isany öldürmek barada dildüwşük*

*(Mark 14:1,2; Luka 22:1,2;
Ýohanna 11:45-53)*

1 Isa ähli sözüni tamamlap, şägirtle-
rine: 2 «Bilşiňiz ýaly, ýene iki günden
Pesah baýramydyr. Onsoň Ynsan Ogly
haça çüýlenmäge tabşyrylar» diýdi. 3 Şol
wagt ýolbaşçy ruhanylar bilen halkyň
ýaşululary Kaýafa atly baş ruhanynyň
howlusyna ýygnanyp, 4 Isany hile bilen
tutup öldürmek barada maslahat geçirdi-
ler. 5 Olar: «Baýram günlerinde tutmalyň,
halk galmagal turzaýmasyn» diýişdiler.

### *Bir aýal ýagy Isanyň başyna guýýar*

*(Mark 14:3-9; Ýohanna 12:1-8)*

6 Isa Beýtaniýada deri keselli Simunyň
öýünde saçak başynda otyrka, 7 bir aýal
çüýşede gymmatbaha atyr ýagyny alyp,
Onuň ýanyna geldi we ony Isanyň başy-
na guýdy. 8 Şägirtler muny görenlerinde,
gaharlanyp: «Näme üçin bu ýag beýle
isrip edildi? 9 Bu ýagy köp pula satyp,
garyplara paýlap bolardy ahyryn» diýiş-
diler. 10 Isa muny bilip, olara şeýle diýdi:
«Näme üçin aýaly ynjadýarsyňyz? Ol
Meniň üçin ajaýyp iş etdi. 11 Garyplar
hemişe siziň ýanyňyzdadyr, emma Men
hemişe ýanyňyzda bolmaryn. 12 Ol bu
ýagy Meniň bedenimi jaýlamaga taýýar
etmek üçin guýdy. 13 Size dogrusyny
aýdýaryn, bu Hoş Habar dünýäniň nire-
sinde wagyz edilse, bu aýalyň edeni-de
şol ýerde ýatlanar».

### *Ýudasyň haýynlygy*

*(Mark 14:10,11; Luka 22:3-6)*

14 Soňra Onkilerden Ýudas Iskariýot
diýen biri ýolbaşçy ruhanylaryň ýanyna
gitdi. 15 Ýudas olardan: «Eger men Isany
siziň eliňize tabşyrsam, maňa näme be-
rersiňiz?» diýip sorady. Olar hem Ýudas
otuz teňňe kümüş çekip berdiler. 16 Ýudas
şondan soň Isany olara tabşyrmak üçin
amatly pursat peýläp gezdi.

### *Pesah nahary*

*(Mark 14:12-26;
Luka 22:7-20,21-23; Ýohanna 13:21-30;
1 Korintoslylar 11:23-25)*

17 Petir baýramynyň ilkinji güni şä-
girtler Isanyň ýanyna gelip: «Seniň üçin
Pesah naharyny nirede taýýarlamagy-
myzy isleýärsiň?» diýip soradylar. 18 Isa
olara: «Şähere gidiň-de, şu aýdan kişi-
miň öýüne baryň. Oňa: „Mugallymymyz
saňa: ‘Wagtym golaýlady, Pesah baýra-
myny şägirtlerim bilen bilelikde seniň
öýüňde bellejek diýýär’“ diýiň» diýdi.
19 Şägirtler hem Isanyň özlerine buýruşy
ýaly edip, Pesah naharyny taýýarladylar.

[20]Agşam Isa on iki şägirdi bilen
bilelikde saçak başyna geçdi. [21]Olar
naharlanyp otyrkalar, Isa: «Size dog-
rusyny aýdýaryn: siziň biriňiz Maňa
haýynlyk edersiňiz» diýdi. [22]Olar gaty
tukatlanyp, yzly-yzyna Ondan: «Agam,
men bir dälmi?» diýip soramaga baş-
ladylar. [23]Isa hem olara: «Elini Meniň
bilen bir okara batyran Maňa haýynlyk
eder. [24]Ynsan Ogly Özi hakda ýazyly-
şy ýaly jan berer, emma Ynsan Ogluna
haýynlyk edeniň halyna waý! Ol adam
eneden dogulmadyk bolsa, onuň üçin has
oňat bolardy» diýip jogap berdi. [25]Oňa
haýynlyk eden Ýudas: «Mugallym, men
bir dälmikäm?» diýip sorady. Isa hem
oňa: «Özüň aýtdyň» diýdi.

[26]Naharlanyp otyrkalar, Isa eline çörek
alyp şükür etdi we ony döwüp, şägirt-
lerine berdi-de: «Alyň, iýiň, bu Meniň
bedenimdir» diýdi. [27]Onsoň şeraply
käsäni alyp, şükür edeninden soň şä-
girtlerine berip: «Şundan hemmäňiz
içiň. [28]Bu köp adamlaryň günäleriniň
bagyşlanmagy üçin dökülýän ganym
arkaly baglanyşylýan ähtdir[a]. [29]Size
şuny aýdaýyn: Atamyň Şalygynda siziň
bilen bile täzesini içjek günüme çenli
şeraby gaýtadan içmerin» diýdi. [30]Olar
Hudaýa öwgi senalaryny aýdanlaryndan
soň, Zeýtun dagyna çykdylar.

### *Isa Petrusyň inkär etjekdigini aýdýar*
*(Mark 14:27-31; Luka 22:31-34; Ýohanna 13:36-38)*

[31]Soňra Isa şägirtlerine: «Siziň hem-
mäňiz şu gijäniň özünde Menden el
çekersiňiz, sebäbi „Çopany uraryn, go-
ýunlar dargap gider“ diýip ýazylgydyr.
[32]Emma Men direlenimden soň, sizden
öň Jelilä bararyn» diýdi. [33]Petrus Oňa:
«Hemmeler Senden ýüz öwürse-de, men
asla ýüz öwürmerin» diýdi. [34]Isa oňa:
«Saňa dogrusyny aýdýaryn, şu gije horaz
gygyrmazdan öň, sen Meni üç gezek in-
kär edersiň» diýdi. [35]Emma Petrus Oňa:
«Men Seniň bilen ölmeli bolsam-da, Seni
asla inkär etmerin!» diýdi. Şägirtleriň
hemmesi-de şeýle diýdiler.

### *Getsemani bagynda*
*(Mark 14:32-42; Luka 22:39-46)*

[36]Soňra Isa şägirtleri bilen Getsemani
diýen ýere gitdi. Isa olara: «Siz bu ýerde
garaşyň, Men hol ýere gidip, Hudaýa do-
ga etjek» diýdi. [37]Isa Petrusy, Zebedeýiň
ogullary Ýakup bilen Ýohannany ýany-
na aldy. Ol tukatlanyp, gaýgylanmaga
başlady. [38]Isa olara: «Meniň janym öler
ýaly tukat. Siz bu ýerde galyň we oýa
boluň» diýdi. [39]Isa biraz öňe ýöredi-de,
ýere ýüzin düşüp: «Eý, Atam! Mümkin
bolsa, bu hasrat käsesini Menden sowa
geçsin, ýöne Meniň islegim däl, Seniň
islegiň amala aşsyn!» diýip, dileg etdi.

[40]Isa gaýdyp gelende, şägirtleri uklap
ýatan ekenler. Isa Petrusa: «Meniň bilen
bile bir sagat-da oýa bolup bilmediňiz-
mi? [41]Oýa boluň, synaga düşmez ýaly
dileg ediň. Ruh gaýratlydyr, ýöne beden
ejizdir» diýdi.

[42]Isa ikinji gezek gidip, dileg etdi: «Eý,
Atam, Men içmesem, bu käsäniň geçme-
gi mümkin däl bolsa, onda Seniň islegiň
bolsun!» [43]Yzyna gaýdyp gelende, şä-
girtleri ýene uklap ýatan ekenler, sebäbi
olaryň gözleri bürlüp durdy. [44]Isa olary
goýup, ýene gitdi, ýene şol öňki sözler

---

[a] **26:28** ***Ähtdir*** – käbir golýazmalarda *täze ähtdir.*

**26:31** Zak 13:7.

bilen üçünji gezek dileg etdi. 45Onsoň
şägirtleriň ýanyna gaýdyp gelip: «Siz
henizem uklap ýatyrsyňyzmy? Dynjyňy-
zy alýarsyňyzmy? Ine, pursat golaýlady,
Ynsan Ogly günäkärleriň eline berilýär.
46Turuň, gideliň. Anha, Maňa haýynlyk
eden golaýlady» diýdi.

### *Isa tutulýar*

*(Mark 14:43-50; Luka 22:47-53; Ýohanna 18:3-12)*

47Isa heniz gepläp durka, Onkileriň
biri bolan Ýudas peýda boldy. Onuň ýa-
nynda ýolbaşçy ruhanylar bilen ýaşulular
tarapyndan iberilen gylyçly, taýakly bir
mähelle bardy. 48Isa haýynlyk eden Ýu-
das olar bilen: «Men kimi öpsem, Isa
Şoldur» diýip gepleşipdi. 49Ol gele-gel-
mäne Isanyň ýanyna bardy-da: «Salam,
Mugallym!» diýip, Ony öpdi. 50Isa hem
oňa: «Dostum, hany, näme etjek bolsaň
et» diýdi. Edil şol wagt adamlar Isany
tutup, ele saldylar. 51Isanyň ýanyndaky-
laryň biri gylyjyny syryp, baş ruhanynyň
hyzmatkärini urup, onuň gulagyny kesdi.
52Şonda Isa oňa şeýle diýdi: «Gylyjyňy
gynyna sal, gylyç çekenleriň hemmesi gy-
lyçdan öler. 53Näme Men Atamdan kömek
sorap, ýüz tutup bilmez öýdýärsiňmi?
Islesem, Ol şu pursadyň özünde Maňa on
iki goşun perişdeden-de köp perişdele-
ri iberer. 54Emma beýtsem, Mukaddes
Ýazgylar nähili berjaý bolar? Bularyň
ählisiniň amala aşmagy gerek ahyry!»
55Şol wagt Isa mähellä ýüzlenip: «Näme
üçin bir gozgalaňçynyň garşysyna çykan
ýaly, Meni tutmak üçin gylyçly hem ta-
ýakly gelipsiňiz? Her gün ybadathanada
oturyp, adamlara öwredýärdim, şonda
Meni tutmandyňyz. 56Ýöne bularyň ählisi
pygamberleriň ýazgylarynyň berjaý bol-
magy üçin boldy» diýdi. Şonda şägirtleriň
hemmesi Isany taşlap gaçyp gitdiler.

### *Isa mejlisiň öňünde*

*(Mark 14:53-65; Luka 22:54,55,63-71; Ýohanna 18:13,14,19-24)*

57Isany tutanlar Ony baş ruhany
Kaýafanyň ýanyna getirdiler, Töwrat
mugallymlary bilen ýaşulular-da şol
ýere ýygnanypdylar. 58Petrus bolsa baş
ruhanynyň howlusyna çenli gara gör-
nümden Isanyň yzyna düşüp gitdi. Ol
içeri girdi-de, işiň soňuny görjek bolup,
sakçylar bilen bile oturdy. 59Ýolbaşçy
ruhanylar we tutuş mejlis Isa ölüm je-
zasyny bermek üçin, Oňa garşy galp
subutnamalar agtardylar. 60Köp ýalan-
çy şaýatlar geldi, emma Oňa garşy hiç
zat tapyp bilmediler. Ahyrsoňy iki sany
ýalançy şaýat gelip: 61«Bu adam: „Men
Hudaýyň ybadathanasyny ýykyp, ony
üç günde täzeden salyp bilerin“ diýdi»
diýip habar berdi. 62Baş ruhany ornundan
turup: «Sen asla jogap berjek dälmi? Bu
adamlaryň Seniň garşyňa berýän şaýat-
lygy näme?» diýdi. 63Emma Isa dymdy.
Baş ruhany Oňa: «Saňa diri Hudaýdan
kasam edýärin, bize aýt, Hudaýyň Og-
ly – Mesih Senmi?» diýdi. 64Isa oňa:
«Hawa, Seniň aýdyşyň ýalydyr» diýip
jogap berdi. Soňra sözüni dowam edip:
«Size ýene şuny aýdaýyn, mundan soň
siz Ynsan Oglunyň Gudratygüýçliniň sa-
gynda oturanyny we gögüň bulutlarynda
gelýänini görersiňiz!» diýdi. 65Şonda baş
ruhany ýakasyny ýyrtyp: «Ol Hudaýa dil
ýetirdi, bize başga şaýatlyk nämä gerek?
Onuň Hudaýa dil ýetirenini özüňiz eşitdi-
ňiz ahyryn. 66Näme karara gelýärsiňiz?»
diýdi. Olar: «Ol ölüme mynasyp!» diýip
jogap berdiler. 67Onsoň Isanyň ýüzüne

**26:64** Zeb 109:1.

tüýkürdiler, Ony ýumrukladylar, käbir-
leri Oňa: 68 «Eý, Mesih, bize welilik et,
Seni uran kim?» diýip, Ony şapbatladylar.

### *Petrus Isany inkär edýär*
*(Mark 14:66-72; Luka 22:56-62;*
*Ýohanna 18:15-18,25-27)*

69 Petrus bolsa daşarda, howluda otyrdy.
Bir keniz onuň ýanyna gelip: «Sen hem
jelileli Isa bilen bilediň» diýdi. 70 Emma
Petrus muny hemmeleriň öňünde inkär
edip: «Men seniň näme diýýäniňi bil-
meýärin» diýdi. 71 Soňra ol howlynyň
öň tarapyna çykdy. Ony başga bir keniz
görüp, ol ýerde duranlara: «Bu adam
nasyraly Isa bilen biledi» diýdi. 72 Pet-
rus ýene-de inkär edip: «Men ol adamy
tanamok» diýip ant içdi. 73 Az salymdan
ol ýerde duranlar Petrusa ýene-de: «Ha-
kykatdan-da, senem şolaryň biri, sebäbi
seniň gepleýşiň muny bildirip dur» diý-
diler. 74 Şonda Petrus ant içip: «Hudaý
ursun! Men ol adamy tanamok» diýdi.
Edil şol wagt horaz gygyrdy. 75 Petrus Isa-
nyň: «Horaz gygyrmazdan öň, sen Meni
üç gezek inkär edersiň» diýen sözüni ýat-
lady we daşary çykyp, möňňürip aglady.

## 27-nji bap

### *Ýudas özüni asýar*
*(Mark 15:1; Luka 23:1,2;*
*Ýohanna 18:28-32)*

1 Ir säher bilen ähli ýolbaşçy ruhanylar-
dyr halkyň ýaşululary Isa ölüm jezasyny
bermek barada maslahat geçirdiler. 2 Ony
daňyp, häkim Pilata eltip tabşyrdylar.
3 Onsoň Isa haýynlyk eden Ýudas Oňa
hököm edilenini görüp, eden işine ökün-
di. Ol otuz teňňe kümşi yzyna, ýolbaşçy
ruhanylar bilen ýaşululara getirip: 4 «Men
bigünä kişä haýynlyk edip, günä gazan-
dym» diýdi. Olar-da: «Bize näme, muňa
özüň jogap berýäň» diýdiler. 5 Ýudas kü-
müşleri ybadathananyň içine zyňdy-da,
çykyp gaýtdy. Soňra gidip, özüni asdy.
6 Ýolbaşçy ruhanylar bolsa kümüşleri
alyp: «Bu pullary ybadathananyň hazy-
nasynda goýmak kanuna dogry gelmeýär,
sebäbi bular gan nyrhydyr» diýdiler. 7 Şeý-
lelikde, maslahat geçirip, gelmişeklere
gonamçylyk etmek üçin, bu pula küýze-
gäriň ýerini satyn aldylar. 8 Şonuň üçin
ol ýere şu güne çenli «Gan meýdançasy»
diýilýär. 9-10 Şonda Ýermeýa pygamber
arkaly aýdylan şu söz berjaý boldy: «Reb-
biň maňa buýruşy ýaly, ysraýyl halkynyň
Oňa kesen nyrhyny – otuz kümüş teňňesi-
ni alyp, küýzegäriň ýerini satyn aldylar».

### *Isa Pilatyň öňünde*
*(Mark 15:2-5; Luka 23:3-5;*
*Ýohanna 18:33-38)*

11 Isany häkimiň huzuryna getirdiler.
Häkim Ondan: «Sen ýahudylaryň patyşa-
symy?» diýip sorady. Isa hem: «Aýdyşyň
ýalydyr» diýdi. 12 Ýolbaşçy ruhanylar bi-
len ýaşulular Ony aýyplanlarynda, Ol hiç
hili jogap bermedi. 13 Onsoň Pilat Ondan:
«Seniň garşyňa berilýän munça şaýatlyk-
lary eşitmeýärsiňmi?» diýip sorady. 14 Isa
onuň ýekeje soragyna hem jogap bermedi.
Häkim muňa gaty geň galdy.
15 Her Pesah baýramynda häkim halkyň
haýyşy bilen bir tussagy boşatmagy adat
edinipdi. 16 Şol wagtlar Ýeşuwa Barabbas[a]

[a] **27:16** ***Ýeşuwa Barabbas*** – käbir golýazmalarda *Ýeşuwa* diýen söz ýok, şeýle hem 17-nji aýatda.

**27:9-10** Zak 11:12-13; Ýrm 19:1-13; Ýrm 32:6-9.

diýen ady belli biri tussaglykda ýatyrdy.
17 Şeýlelikde, halk ýygnanyşanda Pilat
olardan: «Siziň üçin kimi boşatmagymy
isleýärsiňiz? Ýeşuwa Barabbasymy ýa-da
Mesih diýilýän Isany?» diýip sorady. 18 Ol
ýolbaşçy ruhanylar bilen ýaşulularyň
Isany göripçilikden tabşyrandyklaryny
bilýärdi. 19 Pilat höküm kürsüsinde otyr-
ka, aýaly oňa: «Ol dogry adam bilen işiň
bolmasyn, sebäbi men geçen gije düý-
şümde Ol zerarly köp azaplar çekdim»
diýip, habar ýollapdy. 20 Emma ýolbaşçy
ruhanylar bilen ýaşulular Isanyň deregine
Barabbasy boşatmagyny talap ediň diýip,
halky küşgürdiler. 21 Häkim olara ýüz-
lenip: «Siz bu ikisinden meniň haýsyny
boşatmagymy isleýärsiňiz?» diýip sora-
dy. Olar hem: «Barabbasy» diýip jogap
berdiler. 22 Pilat olara: «Onda men Mesih
diýilýän Isany näme edeýin?» diýip sora-
dy. Olaryň hemmesi biragyzdan: «Ol haça
çüýlensin!» diýdiler. 23 Pilat: «Näme üçin?
Ol näme ýamanlyk etdi?» diýip sorady.
Emma olar: «Ony haça çüýle!» diýip, has
beter gygyryşdylar.

24 Pilat öz elinden hiç zat gelme-
ýändigini we galmagalyň bolsa barha
artýandygyny görensoň, eline suw al-
dy-da, mähelläniň öňünde elini ýuwup:
«Bu adamyň ganynyň dökülmeginde
men ýazyksyz. Muňa siz jogapkärsiňiz!»
diýdi. 25 Ähli halk: «Onuň ganyna biz
we çagalarymyz jogapkär!» diýip jogap
berdi. 26 Şonda Pilat Barabbasy boşatdy,
Isany bolsa gamçyladyp, haça çüýlemek
üçin, esgerleriň eline berdi.

### *Esgerler Isany masgaralaýar*
*(Mark 15:16-20; Ýohanna 19:2,3)*

27 Soňra häkimiň esgerleri Isany
hökümet saraýyna eltip, tutuş goşun
toparlaryny Onuň daşyna üýşürdiler.
28 Egin-eşigini çykaryp, egnine gyzyl
don geýdirdiler. 29 Tikenden täç örüp,
başyna geýdirdiler-de, sag eline taýak
tutdurdylar. Öňünde dyza çöküp: «Ýa-
şasyn ýahudylaryň patyşasy!» diýip,
Ony masgaraladylar. 30 Onuň üstüne
tüýkürdiler, taýaklap, başyna urdular.
31 Ony masgaralanlaryndan soň, dony
egninden çykardylar-da, Öz egin-eşigini
geýdirip, haça çüýlemäge alyp gitdiler.

### *Isa haça çüýlenýär*
*(Mark 15:21-32; Luka 23:26-43;*
*Ýohanna 19:17-27)*

32 Ýolda barýarkalar, kirineýli Simun
atly bir adama sataşdylar. Olar bu ada-
ma Isanyň haçyny götermäge mejbur
etdiler. 33 Olar Golgota (bu «Kelleçanak
depesi» diýmegi aňladýar) diýen ýe-
re geldiler. 34 Şonda Oňa içirjek bolup,
öt garylan şerap berdiler, emma Isa
dadanyndan soň, ony içmekden ýüz
öwürdi. 35 Ony haça çüýlänlerinden soň,
bije atyşyp egin-eşigini özara paýlaş-
dylar. 36 Soňra ol ýerde oturyp, Oňa
garawullyk etdiler. 37 Depesinde bolsa:
«BU ÝAHUDYLARYŇ PATYŞASY
ISADYR» diýen etmiş ýazgysyny as-
dylar. 38 Onuň bilen bile iki garakçy hem
haça çüýlendi. Olaryň biri Isanyň sag
tarapynda, beýlekisi çep tarapyndady.
39 Geçip barýanlar başlaryny ýaýkap,
Isany ýaňsylaýardylar. 40 Olar: «Hany,
Sen ybadathanany ýykyp, üç günde
saljakdyň-a. Eger Hudaýyň Ogly bol-
saň, haçdan aşak düş-de, Özüňi halas
et-dä!» diýýärdiler. 41 Ýolbaşçy ruha-
nylar, Töwrat mugallymlary, ýaşulular
hem Isany hut şunuň ýaly masgaralap,
biri-birlerine: 42 «Özgeleri halas etdi,
emma Özüni halas edip bilenok. Özem
Ysraýylyň Patyşasymyş! Onda, goý, Ol
häziriň özünde haçdan aşak düşsün,
biz hem Oňa iman edeli. 43 Ol Hudaýa

sygynýardy. Eger Hudaý halaýan bolsa,
goý, häziriň özünde Ony halas etsin.
Hany, Ol: „Men Hudaýyň Ogludyryn“
diýýär-dä» diýişýärdiler. 44 Şeýle hem,
Isa bilen bile haça çüýlenen garakçy-
lar-da Oňa sögýärdiler.

### *Isanyň ölümi*

*(Mark 15:33-41; Luka 23:44-49;*
*Ýohanna 19:28-30)*

45 Günortan on ikiden öýlän sagat üçe
çenli tutuş ýurdy garaňkylyk gaplap al-
dy. 46 Öýlän sagat üç töweregi Isa gaty
ses bilen gygyryp: «Elohi, Elohi! Lema
sabaktani?» ýagny: «Hudaýym, Hu-
daýym! Näme üçin Meni terk etdiň?»
diýdi. 47 Ol ýerde duranlaryň käbirleri
muny eşidenlerinde: «Ol Ylýasy ça-
gyrýar» diýişdiler. 48 Bir adam ylgap
baryp, bir esgini sirkä batyrdy. Ony bir
taýagyň ujuna dakdy-da, içirjek bolup,
Isa uzatdy. 49 Beýlekiler-de: «Hany, göre-
liň! Ylýas gelip, Ony halas edermikä?»
diýişdiler. 50 Isa ýene-de gaty ses bilen
gygyryp, jan berdi.
51 Şol wagt ybadathananyň tutusy ýo-
kardan aşaklygyna ýyrtylyp, ikä bölündi,
ýer titräp, daşlar ýaryldy. 52 Mazarlar
açylyp, ölen ençeme mukaddes adam-
laryň jesedi direldi. 53 Olar mazarlardan
çykyp, Isa direlenden soň, mukaddes
şähere baryp, köplere göründiler. 54 Isa
garawullyk edip duran ýüzbaşy bilen
ýanyndaky esgerler ýer titremäni, bo-
lan beýleki zatlary görenlerinde, gorka
düşüp: «Hakykatdan-da, bu Hudaýyň
Ogly eken!» diýdiler. 55 Ol ýerde uzakdan
seredişip duran köp aýallar hem bar-
dy. Olar Jelileden Isanyň yzyna düşüp
gelenlerdi we Oňa hyzmat edenlerdi.
56 Olaryň arasynda magdalaly Merýem,
Ýakup bilen Ýosäniň [a] ejesi Merýem
bardy, şeýle-de Zebedeýiň ogullarynyň
ejesi hem bardy.

### *Isa jaýlanýar*

*(Mark 15:42-47; Luka 23:50-56;*
*Ýohanna 19:38-42)*

57 Agşam düşen wagty Ýusup atly
arimatiýaly bir baý adam geldi. Ol hem
Isanyň şägirtlerindendi. 58 Ol Pilatyň
ýanyna baryp, Isanyň jesedini diledi.
Şonda Pilat jesediň oňa berilmegini
buýurdy. 59-60 Ýusup jesedi alyp, Ony
tämiz kepene dolap, gaýada özi üçin
oýduryp ýasadan täze mazarynda jaý-
lady. Onsoň mazaryň agzyna bir daş
togalap getirip goýdy-da, ol ýerden
gitdi. 61 Magdalaly Merýem bilen beý-
leki Merýem hem şol ýerde mazaryň
garşysynda otyrdylar.
62 Ertesi, ýagny Taýýarlyk gününiň
ertesi ýolbaşçy ruhanylar bilen fariseýler
Pilatyň ýanyna ýygnanyşyp: 63 «Jenap,
ol ýalançynyň entek dirikä: „Men üç
günden soň direlerin“ diýeni biziň ýady-
myzda. 64 Şonuň üçin üç günläp mazaryň
gorag astynda saklanmagyny buýur, şä-
girtleri gije gelip, jesedi ogurlap, halka
bolsa: „Ol direldi“ diýäýmesinler. Bu
soňky ýalan öňküden-de beter bolar»
diýdiler. 65 Pilat olara: «Ýanyňyza es-
gerler alyp, gidiň-de, mazary öz bilşiňiz
ýaly gorag astynda sakladyň» diýdi.
66 Olar hem esgerler bilen gidip, maza-
ryň agzyndaky daşy möhürlediler-de,
garawul goýup, mazary gorag astynda
saklatdylar.

---

[a] **27:56** ***Ýosä*** – grekçe *Ýusup,* bu Ýosäniň beýleki ady.

**27:46** Zeb 21:2.

## 28-nji bap

### *Isa direlýär*
*(Mark 16:1-10; Luka 24:1-12;*
*Ýohanna 20:1-10)*

1 Sabat güni geçenden soň, hepdäniň
birinji güni[a] ir säher bilen magdalaly
Merýem we beýleki Merýem mazary
görmäge gitdiler. 2 Birdenkä güýçli ýer
titredi. Rebbiň bir perişdesi gökden inip,
daşy bir çete togalady-da, onuň üstünde
oturdy. 3 Onuň görnüşi ýyldyrym ýaly
öwşün atýardy, eginbaşy gar ýaly akdy.
4 Sakçylar gorkularyndan ýaňa sandyra-
şyp, öli kimin ýere ýazyldylar.
5 Perişde aýallara: «Gorkmaň! Men
siziň haça çüýlenen Isany gözleýändi-
giňizi bilýärin. 6 Ol bu ýerde ýok. Ol Öz
aýdyşy ýaly direldi. Bäri geliň-de, Onuň
ýatan ýerini görüň. 7 Indi çalt gidip, Onuň
şägirtlerine: „Isa direlipdir, Ol sizden öň
Jelilä barýar. Siz Ony şol ýerde görersi-
ňiz“ diýiň. Gulak asyň, men size muny
aýdandyryn» diýdi.
8 Aýallar gorky hem şatlyk bilen how-
lugyşyp, mazardan uzaklaşdylar. Olar
ylgaşyp, Isanyň şägirtlerine habar ber-
mäge gitdiler. 9 Birdenkä olara Isa duşup:
«Salam!» diýdi. Olar hem Onuň ýany-
na gelip, aýagyna ýykylyp, Oňa sežde
etdiler. 10 Onsoň Isa olara: «Gorkmaň!
Baryň, doganlaryma aýdyň, Jelilä git-
sinler. Meni şol ýerde görerler» diýdi.

### *Sakçylaryň getiren habary*

11 Aýallar heniz ýoldakalar, sakçy-
laryň birnäçesi şähere baryp, bolan
ähli zatlary ýolbaşçy ruhanylara habar
berdiler. 12 Olar ýaşulular bilen ýyg-
nanyşyp, maslahat geçirenlerinden
soň, esgerlere köp pul berip: 13 «Siz
halka: „Biz gije ýatyrkak, şägirtleri
gelip, Onuň jesedini ogurlap gidipdirler“
diýiň. 14 Bu habar häkimiň gulagyna
baryp ýetse, ony ynandyryp, biz sizi
aladadan dyndararys» diýdiler. 15 Ga-
rawullar puly alyp, özlerine buýrulyşy
ýaly etdiler. Bu gürrüň ýahudylaryň
arasynda şu güne çenli hem dowam
edip gelýär.

### *Iň soňky tabşyryk*
*(Mark 16:14-18; Luka 24:36-49;*
*Ýohanna 20:19-23; Resul 1:6-8)*

16 Şunluk bilen, on bir şägirt Jelilä,
Isanyň aýdan dagyna gitdi. 17 Isany gö-
rüp, Oňa sežde etdiler, emma olaryň
käbiri şübhelendi. 18 Isa hem olaryň
ýanyna gelip: «Gökde we ýerde äh-
li ygtyýarlyk Maňa berildi. 19 Şonuň
üçin hem gidiň-de, ähli milletleri şägirt
ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes
Ruhuň adyndan suwa çümdüriň. 20 Size
buýran ähli zatlarymy berjaý etmegi
olara öwrediň. Men hemişe, tä dünýä-
niň ahyryna çenli siziň bilen bolaryn»
diýdi.[b]

---

[a] **28:1** ***Hepdäniň birinji güni*** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýekşenbe günüdir.
[b] **28:20** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Markyň hoş habary

## Giriş

Bu kitap Isanyň döwründe ýaşan Mark atly adam tarapyndan ýazyldy. Ol Isa Mesihiň resuly Pawlus bilen täze ýygnaklaryň düýbüni tutmakda (Res 13-nji bap), resul Petrus bilen Hoş Habary ýaýmakda (1Pet 5:13) arman-ýadaman zähmet çekenleriň biridir.

Mark Isanyň durmuşyny, eden işlerini we wagyzlaryny ilkinji bolup ýazga geçiren adam diýen pikir Mukaddes Ýazgylary öwrenýän alymlaryň arasynda örän ýörgünlidir. Olaryň çaklamalaryna görä, Mark bu kitaby Rim şäherinde tussaglykda saklanan Pawlusa kömek beren döwründe, ýagny b. e. 55 – 65-nji ýyllary ýazypdyr. Kitapda arameý diliniň sözlerine, ýahudy halkynyň däp-dessurlaryna düşündiriş berilýär. Şeýle düşündirişler bu kitabyň ýahudy däl halklar üçin ýazylandygyny aýdyň görkezýär. Mark ony Rimdäki ýygnak üçin ýazypdyr, sebäbi şol döwürde ýygnagyň agzalary ýahudy we ýahudy däl halklaryň wekillerinden ybaratdy.

Markyň esasy maksady Isanyň Mesihdigini, ýagny Hudaýyň pygamberler arkaly wada berlen Patyşadygyny mälim etmekden ybaratdy. Ol öz kitabynda Isany ilkibaşdan Mesih, ýagny Hudaýyň Ogly diýip atlandyrýar. Mark Isanyň il içinde görkezen gudratlary, adamlary haýrana galdyran mugjyzalary barada şaýat hökmünde ýazýar. Mark şeýle gudratlaryň we mugjyzalaryň Hudaýyň güýji arkaly amala aşýandygyny nygtap, adamlaryň kem-kemden Isanyň kimdigine düşünişlerini görkezýär. Isa Öz şägirtlerinden: «Siz Maňa kim diýýärsiňiz?» diýip soranda, Petrus «Sen Mesihsiň» diýip jogap berýär (Mar 8:29).

Şeýle-de Mark Mesih bolmagyň diňe ygtyýarlylyk däl, eýsem hyzmat we özüňi gurban etmeklikdigini hem görkezýär. Ol Isa Mesihiň ýönekeý adamlary söýüp, olara hyzmat edişini, olaryň ugrunda Özüni gurban etmäge-de taýyndygyny beýan edýär. Isa Mesih şeýle diýýär: *«Ynsan Ogly hem Özüne hyzmat edilmegi üçin däl-de, eýsem, başgalara hyzmat etmek üçin, köpleriň ugrunda janyny gurban edip, olary azat etmek üçin geldi»* (Mar 10:45). Isa Özüni Ynsan Ogly diýip atlandyrýardy.

Mark Isa Mesihe iman edip, Onuň güýjüne ynanan islendik adamyň keselden gutulýandygyna, jynlardan azat bolýandygyna we ebedi ýaşaýşa eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär. Ýöne ol Isa Mesihe eýermegiň aňsat däldigini hem aýdýar. Isanyň hakyky şägirtleri öz Halypalary ýaly adamlara hyzmat etmeli, ejir çekmäge we Ol kimin özüni gurban etmäge-de taýyn bolmaly.

### *Mazmuny*

Ýahýa pygamberiň wagzy...................................................................*1:1-8*
Isa çümdürilýär we synalýar ...........................................................*1:9-13*
Isa Jelilä gelýär .........................................................................*1:14–9:50*
Isa Jelileden Iýerusalime gidýär....................................................*10:1-52*
Isanyň haçdaky jebirleri we ölümi .............................................*11:1–15:47*
Isa direlýär ......................................................................................*16:1-8*
Isa Öz şägirtlerine görünýär........................................................ *16:9-20*

---

## 1-nji bap

***Ýahýa çümdürijiniň wagzy***
*(Matta 3:1-12; Luka 3:1-18;*
*Ýohanna 1:19-28)*

1Bu Hudaýyň Ogly[a] Isa Mesih[b]
hakdaky Hoş Habaryň başlangyjydyr.
2Işaýa pygamberiň kitabynda[ç] şeýle
ýazylan: «Öňüňden ýol taýýarlar ýa-
ly, ine, Men Öz wekilimi iberýärin.
3Çölde bir ses gygyrýar: „Rebbe ýol
taýynlaň! Onuň ýodalaryny düzläň!“
diýýär». 4Şunlukda, Ýahýa peýda bolup,
çölde adamlary suwa çümdürýärdi. Ol
adamlara günäleriniň bagyşlanmagy
üçin toba edip, suwa çümdürilmeklerini
wagyz edýärdi. 5Tutuş Ýahudyýyanyň
we Iýerusalimiň ilaty onuň ýanyna
gelýärdi. Olar günäleri üçin toba edip,
Ýahýa tarapyndan Iordan derýasynda
suwa çümdürilýärdiler. 6Ýahýanyň dü-
ýe ýüňünden eşikleri, bilinde gaýyş-
dan guşagy bardy. Ol çekirtge bilen
meýdan balyny iýýärdi. 7Ol: «Menden
soňra Geljek menden has güýçlüdir.
Men eglip, Onuň çarygynyň bagyny
çözmäge-de mynasyp däldirin. 8Men
sizi suwa çümdürýärin, emma Ol si-
zi Mukaddes Ruha çümdürer» diýip
wagyz edýärdi.

***Isa suwa çümdürilýär we synalýar***
*(Matta 3:13–4:11; Luka 3:21,22; 4:1-13)*

9Şol günlerde Isa Jeliläniň Nasyra
şäherinden Ýahýanyň ýanyna geldi.
Ýahýa Ony Iordan derýasynda çüm-
dürdi. 10Isa suwdan çykyp gelýärkä,
asmanyň ýarylanyny we Mukaddes
Ruhuň kepderi görnüşde Öz üstüne
inip gelýänini gördi. 11Şol wagt gök-
den: «Sen Meniň söwer Oglumsyň, Men
Senden köp razydyryn» diýen owaz
geldi. 12Mukaddes Ruh Isany dessine
çöle ýollady. 13Isa çölde kyrk gün bolup,
şeýtan tarapyndan synaga salyndy. Ol
ýabany haýwanlaryň arasynda ýaşady,
perişdeler Oňa hyzmat etdiler.

---

[a] **1:1 *Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.
[b] **1:1 *Mesih*** – ýewreýler bu sözi Hudaý tarapyndan wada berlen Patyşa babatynda ulanýardylar. Sözlüge seret.
[ç] **1:2 *Işaýa pygamberiň kitabynda*** – käbir golýazmalarda *Pygamberleriň kitabynda*.

**1:2** Mal 3:1. **1:3** Işa 40:3.

### *Isa ilkinji şägirtlerini çagyrýar*
*(Matta 4:12-22; Luka 4:14,15; 5:1-11)*

14 Ýahýa tussag edilenden soňra, Isa
Jelilä gelip, Hudaýyň Hoş Habaryny [a]
wagyz etdi. 15 Ol: «Wagt doldy, Huda-
ýyň Şalygy golaýlady. Toba ediň, Hoş
Habara ynanyň!» diýýärdi.
16 Isa Jelile kölüniň kenaryndan geçip
barýarka, köle tor taşlap duran Simun
bilen onuň dogany Andrysy gördi. Olar
balykçydylar. 17 Isa olara: «Meniň yzyma
düşüň, Men sizi ynsan tutýan balykçylar
edeýin» diýdi. 18 Olar hem şol wagtyň
özünde torlaryny taşlap, Onuň yzyna
düşdüler. 19 Biraz ýöränlerinden soň,
Isa Zebedeýiň ogullary Ýakup bilen
Ýohannany gördi. Olar gaýygyň içinde
torlaryny bejerip otyrdylar. 20 Isa olary
gören badyna çagyrdy. Olar hem kakala-
ry Zebedeý bilen günlükçileri gaýykda
galdyryp, Isanyň yzyna düşdüler.

### *Isa arwah-jynlary kowýar, hassalary sagaldýar*
*(Luka 4:31-42; Matta 8:14-17)*

21 Olar Kapernauma geldiler. Sabat
güni Isa sinagoga baryp, öwretmäge
başlady. 22 Onuň taglymatyna haýran
galdylar, sebäbi Isa adamlara Töwrat
mugallymlary ýaly däl-de, erk-ygty-
ýarly biri ýaly öwredýärdi. 23 Şol wagt
olaryň sinagogasynda arwah-jyn eýelän
bir adam bardy. Ol: 24 «Eý, nasyraly Isa!
Biziň bilen näme işiň bar? Bizi ýok et-
mäge geldiňmi? Men Seniň kimdigiňi
bilýärin, Sen Hudaýyň Mukaddesisiň»
diýip gygyrdy. 25 Isa arwah-jyna käýäp:
«Sem bol! Bu adamdan çyk!» diýip buý-
ruk berdi. 26 Arwah-jyn hem ol adamy
sandyratdy-da, bagyryp ondan çykdy.
27 Hemmeler haýran galyp, biri-birle-
rine: «Bu näme boldugy? Bu bir täze
taglymat! Ol arwah-jynlara erk-ygtyýar
bilen buýruk berýär, olar-da Oňa tabyn
bolýarlar!» diýişdiler. 28 Şeýlelikde, Isa
hakyndaky habar şobada Jeliläniň ähli
etrabyna ýaýrady.
29 Olar sinagogadan çykyp, Simun we
Andrysyň öýüne gitdiler, Ýakup bilen
Ýohanna hem olar bilendi. 30 Simunyň
gaýynenesini gyzzyrma tutup ýatan-
dygyny Isa habar berdiler. 31 Şonda Isa
hassanyň ýanyna bardy-da, ony elinden
tutup galdyrdy. Aýalyň gyzzyrmasy şo-
bada aýryldy we ol myhmanlara hyzmat
etmäge başlady. 32 Gün batyp, agşam
düşende, ähli hassalary, arwah-jyn eýe-
län adamlary Onuň ýanyna getirdiler.
33 Şäheriň ähli halky gapynyň agzyna
ýygnanyşypdy. 34 Isa dürli kesele uç-
ran ençeme hassany sagaltdy, ençeme
arwah-jyny kowup çykardy. Ol arwah-
jynlara geplemäge ygtyýar bermedi,
sebäbi olar Onuň kimdigini bilýärdiler.
35 Ir säher bilen heniz daň atmanka, Isa
turup, daşary çykdy. Bir çola ýere ba-
ryp, Hudaýa doga etdi. 36 Simun bilen
ýanyndakylar Ony gözlemäge gitdiler.
37 Ony tapanlarynda: «Hemmeler Seni
gözläp ýör» diýdiler. 38 Isa olara: «Ýörüň,
başga ýere, golaýdaky obalara gideliň,
Men ol ýerlerde-de wagyz etjek, hut
şonuň üçin hem geldim» diýdi.
39 Şeýlelikde, Isa olaryň sinagogala-
rynda wagyz edip, arwah-jynlary kowup
çykaryp, tutuş Jeliläniň içine aýlandy.

### *Isa deri kesellini sagaldýar*
*(Matta 8:1-4; Luka 5:12-16)*

40 Isanyň ýanyna deri keseline ýolu-
gan bir adam geldi. Ol dyzyna çöküp,

[a] **1:14** ***Hudaýyň Hoş Habaryny*** – käbir golýazmalarda *Hudaýyň Şalygy baradaky Hoş Habary.*

Oňa: «Eger isleseň, meni bu kesel-
den tämizläp bilersiň» diýip ýalbardy.
41 Isanyň ol adama ýüregi awady. Ol
elini uzatdy-da, oňa degrip: «Isleýärin,
tämiz bol!» diýdi. 42 Bu adam şobada
deri keselinden saplanyp, doly sagal-
dy. 43-44 Isa ony ugradanda, oňa: «Ägä
bol, muny hiç kime aýtmagyn. Ýöne
git-de, ruhana görün we deri keselinden
saplanandygyňy hemmelere subut eder
ýaly, Musanyň buýran sadakasyny ber»
diýip, berk tabşyryk berdi. 45 Emma ol
adam gidip, bolan zatlary ýetişibildi-
gine gürrüň bermäge we ýaýratmaga
başlady. Şonuň üçin Isa indi hiç bir
şähere arkaýyn girip bilmän, olardan
daşda, çola ýerlerde bolýardy. Emma
hemme ýerden Onuň ýanyna adamlar
gelýärdiler.

## 2-nji bap

### *Isa ysmazy sagaldýar*

*(Matta 9:1-8; Luka 5:17-26)*

1 Isa birnäçe günden soň Kaperna-
uma gaýdyp gelende, Onuň öýdedigi
baradaky habar ýaýrady. 2 Şonda ol
ýere şeýle bir köp adam üýşdi welin,
hatda gapynyň agzynda durmaga-da
ýer ýokdy. Isa olara Hudaýyň Hoş Ha-
baryny wagyz edýärdi. 3 Şol wagt dört
adam bolup Onuň ýanyna bir ysmazy
göterip getirdiler. 4 Adamlardan ýa-
ňa hyryn-dykyn doludygy üçin, olar
Isanyň ýanyna ýakynlaşyp bilmediler.
Şonuň üçin olar Isanyň bolýan jaýynyň
üçegini söküp, ysmazy düşegi bilen
deşikden aşak salladylar. 5 Isa olaryň
imanyny görüp, ysmaza: «Oglum, se-
niň günäleriň ötüldi» diýdi. 6-7 Ol ýerde
oturan Töwrat mugallymlaryň käbiri
içinden: «Bu adam näme üçin beý-
le gepleýär? Ol Hudaýa dil ýetirýär!
Günäleri ýeke-täk Hudaýdan başga
kim ötüp biler?» diýip oýlandy. 8 Isa
dessine olaryň näme pikir edýändigini
ruhunda syzyp: «Näme üçin göwnüňize
beýle pikirler getirýärsiňiz? 9 Ysma-
za haýsyny aýtmak aňsat: „Günäleriň
ötüldi“ diýmekmi ýa-da: „Tur, düşe-
giňi al-da, ýöre“ diýmek? 10 Emma siz
Ynsan Oglunyň ýer ýüzünde günäleri
ötmäge-de ygtyýarynyň bardygyny
bilip goýuň» diýdi. Onsoň Ol ysmaza:
11 «Saňa diýýärin, tur, düşegiňi al-da,
öýüňe gaýt» diýdi. 12 Ol hem ýerinden
turdy-da, dessine düşegini alyp, hem-
meleriň gözüniň alnynda çykyp gitdi.
Hemmeler haýran galdy. Olar: «Biz
beýle zady asla görmändik» diýşip,
Hudaýy şöhratlandyrdylar.

### *Isa Lewini çagyrýar*

*(Matta 9:9-13; Luka 5:27-32)*

13 Isa ýene kölüň ýakasyna gitdi. Tutuş
halaýyk Onuň ýanyna geldi, Ol hem
olara öwretmäge başlady. 14 Isa ýoldan
geçip barýarka, salgyt ýygnap oturan
Alfeýiň ogly Lewini görüp, oňa: «Me-
niň yzyma düş!» diýdi. Ol hem turup,
Onuň yzyna düşdi.
15 Ençeme salgytçylardyr günäkär-
ler-de Isanyň yzyna eýerýärdiler. Bir
gün Isa Lewiniň öýünde saçak başynda
otyrka, olar hem gelip, Isa we Onuň
şägirtleri bilen bile iýip-içdiler. 16 Fa-
riseýler bolan Töwrat mugallymlary
Isanyň günäkärler hem salgytçylar bi-
len nahar iýip oturanyny görenlerinde,
Onuň şägirtlerinden: «Näme üçin Ol
salgytçylardyr günäkärler bilen bile
nahar iýýär?» diýip soradylar. 17 Isa
muny eşidende, olara: «Lukman saglara
däl-de, hassalara gerekdir. Men dog-
rulary däl-de, günäkärleri çagyrmaga
geldim» diýdi.

### *Agyz beklemek barada sowal*
*(Matta 9:14-17; Luka 5:33-39)*

18 Ýahýanyň şägirtleri we fariseýler
agyz bekleýärdiler. Käbir adamlar gelip,
Isadan: «Näme üçin Ýahýanyň we fari-
seýleriň şägirtleri agyz bekelýärler-de,
seniň şägirtleriň bolsa agyz beklänok?»
diýip sorady. 19 Isa olara: «Giýew ýanla-
ryndaka, heý-de, toýuň myhmanlary agyz
beklärmi?! Ýok, giýew aralaryndaka, olar
agyz bekläp bilmezler ahyryn. 20 Emma
giýewiň olardan alynjak günleri geler, ine,
şonda olar agyz beklärler. 21 Hiç kim köne
eşige täze matadan ýama salmaz, ýogsam
salnan ýama köne eşikden gopup, ýyrtyk
ýeri has beter bolar. 22 Hiç kim täze şera-
by köne meşiklere guýmaz. Ýogsa şerap
meşikleri böwsüp, döküler, meşikler-de
zaýalanar. Täze şerap täze meşiklere gu-
ýulýandyr» diýip jogap berdi.

### *Sabat güni barada sowal*
*(Matta 12:1-8; Luka 6:1-5)*

23 Bir Sabat güni Isa bugdaýlygyň ara-
syndan geçip barýardy. Onuň şägirtleri
ýolda barýarkalar, bugdaý başlaryny ýol-
maga başladylar. 24 Fariseýler Isa: «Seret,
näme üçin olar Sabat güni gadagan işi ed-
ýärler?» diýdiler. 25 Isa olara: «Dawut bilen
ýanyndakylar aç hem mätäç galanlarynda,
siz Dawudyň näme edendigini asla oka-
madyňyzmy? 26 Ol baş ruhany Abiýataryň
döwründe Hudaýyň öýüne girip, Hödür
çöreklerini iýdi, ýanyndakylara hem berdi.
Bu olar üçin gadagandy, diňe ruhanylara
rugsat berlendi» diýip jogap berdi. 27 Soňra
Isa olara: «Adam Sabat güni üçin däl-de,
Sabat güni adam üçin ýaradyldy. 28 Şonuň
üçin Ynsan Ogly hatda Sabat gününiň-de
hökümdarydyr» diýdi.

## 3-nji bap

### *Isa Sabat güni şypa berýär*
*(Matta 12:9-14; Luka 6:6-11)*

1 Başga bir gün Isa ýene sinagoga gitdi.
Ol ýerde eli şel açan bir adam bardy. 2 Kä-
bir adamlar Isany aýyplajak bolup, Sabat
güni bu adama şypa berermikä diýip,
Ony aňtaýardylar. 3 Isa eli şel açan adama:
«Ýeriňden tur-da, orta çyk!» diýdi. 4 On-
soň olardan: «Kanun boýunça Sabat güni
ýagşylyk etmek dogrumy ýa-da ýaman-
lyk? Biriniň janyny halas etmek dogrumy
ýa-da öldürmek?» diýip sorady. Olardan
ses çykmady. 5 Isa töweregindäkilere ga-
har bilen bakyp, olaryň doňýürekdigine
gynandy. Ýaňky adama: «Eliňi uzat!»
diýdi. Ol hem elini uzatdy welin, eli doly
sagaldy. 6 Fariseýler daşary çykyp, Isany
nädip ýok etmelidigi barada Hirodyň ta-
rapdarlary bilen maslahat geçirdiler.

### *Uly mähelle Isanyň yzyna düşýär*

7 Isa şägirtleri bilen kölüň ýakasyna
gitdi. Jelileden bir uly mähelle hem
Onuň yzyna düşüp gitdi. 8 Onuň bitiren
işlerini eşidip, Ýahudyýadan, Iýerusa-
limden, Idumeýadan, Iordan derýasynyň
aňyrsyndan, Sur we Sidon töwerekle-
rinden uly mähelle ýanyna geldi. 9 Isa
mähelläniň içinde gysylmazlyk üçin, Öz
şägirtlerine bir gaýygy taýýarlap goýma-
gy buýurdy. 10 Isa ençeme adama şypa
berdi, şonuň üçin hemme hassalar Oňa
ellerini degirjek bolup, ýanyna itekleşip
gelýärdiler. 11 Arwah-jyn eýelänler Isany
görenlerinde, Onuň aýagyna ýykylyp:
«Sen Hudaýyň Oglusyň!» diýip gygyr-
ýardylar. 12 Emma Ol Özüniň kimdigini
hiç kime aýtmazlygy berk tabşyrdy.

**2:25** 1Şam 21:1-6.

### *Isa on iki şägirdini saýlaýar*
*(Matta 10:1-4; Luka 6:12-16)*

13 Onsoň Isa daga çykyp, Öz saýlan
adamlaryny ýanyna çagyrdy, olar Onuň
ýanyna bardylar. 14-16 Isa on iki adamy
saýlap alyp, olara resullar diýip at berdi [a].
Onuň wagyz etmäge iberen, hassalary
sagaldyp, arwah-jynlary kowmaga yg-
tyýar beren bu on iki resuly şulardyr:
Simun – Isa oňa Petrus diýip at berdi,
17 Zebedeýiň ogullary Ýakup bilen Ýohan-
na – Isa olara Bowanerges diýen lakamy
berdi, (bu «Gök gürrüldisiniň ogullary»
diýmegi aňladýar), 18 onsoň Andrys, Filip,
Bartolomeý, Matta, Tomas, Alfeýiň ogly
Ýakup, Taddeý, watançy Simun 19 we Isa
haýynlyk eden Ýudas Iskariýot.

### *Isa we Beýelzebul*
*(Matta 12:22-32; Luka 11:14-23; 12:10)*

20 Soňra Isa bir öýe bardy. Ol ýerde
hem hemişekiler ýaly, ýene-de uly mä-
helle ýygnanansoň, Isanyň şägirtleri
bilen nahar iýmäge-de wagtlary bolmady.
21 Isanyň hossarlary bu barada eşidende:
«Isa akylyndan azaşypdyr» diýip, Ony
äkitmäge geldiler. 22 Iýerusalimden gelen
Töwrat mugallymlary bolsa: «Ony jynla-
ryň hökümdary Beýelzebul eýeläpdir! Ol
arwah-jynlary Beýelzebul arkaly kowup
çykarýar» diýişýärdiler. 23 Şonuň üçin Isa
halky ýanyna çagyryp, tymsallar arkaly
söze başlady: «Şeýtan öz-özüni nädip ko-
wup çykarsyn? 24 Bir patyşalygyň içinde
bölünişik bolsa, ol patyşalyk berk durup
bilmez. 25 Bir hojalygyň içinde bölünişik
bolsa, ol maşgala berk durup bilmez.
26 Şeýtan öz-özüne garşy çykyp bölünse,
berk durup bilmez, onuň soňunyň geldi-
gidir. 27 Hiç kim bir güýçli adamyň öýüne
girip, malyny talap bilmez; öňürti ony
tutup daňmaly bolar, onsoň öýüni talar.
28 Size dogrusyny aýdýaryn: ynsanlaryň
hemme günäleri, her bir zada dil ýetirme-
leri bagyşlanar. 29 Emma Mukaddes Ruha
dil ýetirene asla bagyşlanma ýokdur. Bu
ebedilik günä bolup, onuň boýnundan
asylar». 30 Isa muny: «Ol – arwah-jynly»
diýenleri üçin aýtdy.

### *Isanyň ejesi we inileri*

31 Onsoň Onuň ejesi bilen inileri geldi.
Olar daşarda durup, Isany çagyrmak
üçin, Onuň ýanyna adam iberdiler. 32 Mä-
helle Isanyň daşyny alyp otyrdy. Oňa:
«Ejeň, inileriň we uýalaryň daşarda Seni
soraýarlar» diýdiler. 33 Isa olara jogap
berip: «Meniň ejem, doganlarym kim?»
diýdi. 34 Onsoň daşyny alyp oturanlara
seredip: «Ine, Meniň ejem, doganlarym
şulardyr! 35 Hudaýyň islegini kim berjaý
etse, şol Meniň doganym, uýam hem
ejemdir» diýdi.

## 4-nji bap

### *Ekin tymsaly*
*(Matta 13:1-23; Luka 8:4-15)*

1 Isa kölüň ýakasynda halka ýene
öwretmäge başlady. Daşyna şeýle uly
mähelläniň üýşendigi zerarly köldäki
bir gaýyga münüp oturdy. Tutuş mähel-
le bolsa kölüň ýakasynda, gury ýerde
durdy. 2 Isa olara tymsallar arkaly köp
zatlar öwretdi. Olara şu tymsaly gürrüň
berdi: 3 «Gulak asyň! Bir daýhan ekin
ekmäge çykýar. 4 Ekip ýörkä, tohumla-
ryň birnäçesi ýoluň üstüne düşýär we
guşlar gelip, ony çokýarlar. 5 Birnäçesi
topragy az, daşly ýere düşýär. Topragy
çuň bolmansoň, olar tiz gögerýär. 6 Ýöne

[a] **3:14-16** ***Olara resullar diýip at berdi*** – bu sözlem käbir golýazmalarda ýok.

gün gyzanda, kökleriniň ýokdugy ze-
rarly, olar solup, guraýarlar. 7Birnäçe
tohum tikenleriň arasyna düşýär. Tiken-
ler ösüp, olary basýar. Şeýlelikde, olar
hasyl bermeýärler. 8Birnäçesi-de gowy
ýere düşýär. Olar ösüp, köpelip, käbiri
otuz, käbiri altmyş, käbiri hem ýüz esse
hasyl berýär». 9Isa onsoň olara: «Eşit-
mäge gulagy bar adam eşitsin!» diýdi.
10Isa on iki şägirdi we başga käbir
adamlar bilen ýeke galanda, olar Ondan
bu tymsalyň manysyny soradylar. 11Isa
olara şeýle düşündirdi: «Hudaýyň Şaly-
gynyň syry size berildi. Daşardakylara
bolsa hemme zat tymsallar arkaly aýdyl-
ýar. 12Şeýdip „olar seredip dursalar-da,
hiç aňlamaýarlar, eşidip dursalar-da,
hiç düşünmeýärler; ýogsam Maňa tarap
öwrülip bagyşlanardylar“».
13Isa olara şeýle diýdi: «Siz bu tym-
sala düşünmeýärsiňizmi? Onda başga
tymsallara nähili düşünjeksiňiz? 14Daý-
hanyň ekýäni Hudaýyň sözüdir. 15Käbir
adamlar ýoluň üstüne düşen tohumlara
meňzeýärler. Olar sözi eşidýärler, emma
ýüreklerine ekilen bu sözi şobada şeýtan
alyp gidýär. 16Beýleki adamlar daşly ýere
düşen tohumlara meňzeýärler. Olar sözi
eşidip, ony dessine şatlyk bilen kabul
edýärler. 17Emma olarda kök ýokdur,
çydamsyzdyr. Bu söz üçin muşakgat
ýa-da yzarlama bolanda, olar derrew
imandan ýüz döndererler. 18Başga birleri
tikenleriň arasyna düşen tohumlara meň-
zeýärler. Olar sözi eşidýärler, 19emma
dünýäniň gaýgylary, baýamak höwesi
we başga meýiller ara girip, sözi bogýar,
şonuň üçin söz hasyl bermeýär. 20Gowy
topraga düşenler bolsa, sözi eşidip, ony
kabul edýärler we käbiri otuz, käbiri alt-
myş, käbiri hem ýüz esse hasyl berýär».

### *Çyra tymsaly*
*(Luka 8:16-18)*

21«Çyrany haýsydyr bir gabyň ýa-da
çarpaýanyň aşagynda gizlemek üçin
getirýärlermi? Eýsem, ony çyradanyň
üstünde goýmak üçin getirmeýärler-
mi näme? 22Üsti açylmajak gizlin zat,
mese-mälim bolmajak ýaşyryn zat
ýokdur. 23Eşitmäge gulagy bar adam
eşitsin!» diýdi. 24Isa ýene-de olara:
«Eşidýänleriňize üns beriň. Haýsy ölçeg
bilen ölçeseňiz, size-de şol ölçeg bilen
ölçeler. Hatda size has-da köp berler.
25Kimde bar bolsa, oňa berler, kimde ýok
bolsa, onuň elindäki hem alnar» diýdi.

### *Biten tohum tymsaly*

26Onsoň Isa şeýle diýdi: «Hudaýyň
Şalygy ýere tohum sepýän adam ýaly-
dyr. 27Ol gije ýatýar, irden turýar, emma
tohumyň nädip gögerişini, ösüşini bilme-
ýär. 28Toprak öz-özünden hasyl berýär.
Öňürti baldagy, soňra başy hem başdaky
doly däneleri ýetişýär. 29Hasyl bişende,
ýaňky adam dessine oragy işe girizýär.
Çünki orak wagty gelendir».

### *Gorçisa tohum tymsaly*
*(Matta 13:31,32,34; Luka 13:18,19)*

30Isa olara ýene-de: «Hudaýyň Şalygy-
ny nämä meňzedeli? Ony haýsy tymsal
bilen düşündireli? 31-32Hudaýyň Şalygy
gorçisa tohumy ýalydyr. Bu tohum ýer
ýüzünde ekilýän ähli tohumlaryň iň
maýdasy bolup, ekilenden soň ösüp, ähli
ösümliklerden belent bolýar. Ol şeýle
uly şahalar çykarýar welin, guşlar kö-
legesinde höwürtgeläp bilýärler» diýdi.
33Isa halka düşünip biljek derejesinde
şunuň ýaly köp tymsallar arkaly gürrüň

**4:12** Işa 6:9-10.

berýärdi. [34]Olara tymsalsyz hiç zat aýt-
maýardy, ýöne ýeke galanlarynda, Öz
şägirtlerine ähli zady düşündirýärdi.

### *Isa tupany ýatyrýar*
*(Matta 8:23-27; Luka 8:22-25)*

[35]Şol gün agşamara Isa şägirtlerine:
«Kölüň beýleki tarapyna geçeliň» diýdi.
[36]Şägirtler mähelläni şol ýerde galdyryp,
Isany oturan gaýygynda özleri bilen
alyp gitdiler. Olaryň ýanynda başga
gaýyklar hem bardy. [37]Şol wagt güýçli
tupan turup, tolkunlar gaýyga urlup
başlady-da, gaýyk suwdan dolup ugra-
dy. [38]Isa bolsa gaýygyň yzky tarapynda
bir ýassygy ýassanyp, uklap ýatyrdy.
Şägirtler Ony oýaryp: «Mugallym, biz
heläk bolýas! Bu Seniň perwaýyňa-da
dälmi?» diýdiler. [39]Isa turup, ýele käýedi,
Ol köle: «Sem bol! Bes et!» diýdi. Şonda
ýel ýatdy we doly asudalyk boldy. [40]Isa
şägirtlerine: «Näme üçin gorkýarsyňyz?
Eýsem heniz-de iman edeňzokmy? Eý-
sem imanyňyz şeýle gowşakmy?» diýdi.
[41]Olar gaty gorkuşyp, biri-birlerine: «Bu
kimkä? Onuň sözüne hatda ýelem, kö-
lem gulak asýar!» diýişdiler.

## 5-nji bap

### *Isa arwah-jyn eýelän adamy sagaldýar*
*(Matta 8:28-34; Luka 8:26-39)*

[1]Isa bilen şägirtleri kölüň beýleki kena-
ryndaky gerasalylaryň [a] ýurduna geldiler.
[2]Isa gaýykdan düşen badyna, Oňa gonam-
çylykdan çykyp gelýän bir adam duşdy. Bu
adamy arwah-jyn eýeläpdi. [3]Ol mazarlaryň
arasynda ýaşaýardy. Ony hiç kim hatda
zynjyrlap hem saklap bilmeýärdi. [4]Onuň
el-aýaklaryny ençeme gezek zynjyrlasalar-
da, gandallasalar-da, ol zynjyrlary gyryp,
gandallary bölek-bölek edýärdi. Hiç kim
ony ýola getirip bilmezdi. [5]Ol gije-gün-
diz gonamçylykda, daglarda üznüksiz
gygyryp, özüni daş bilen ýaralar ýörerdi.
[6]Ol Isany uzakdan görüp, ylgap geldi-
de, Onuň öňünde dyzyna çöküp, tagzym
etdi. [7]Batly ses bilen gygyryp: «Eý, Isa!
Eý, Beýik Hudaýyň Ogly, meniň bilen
näme işiň bar? Ýalbarýan, Hudaýyň haky
üçin meni gynama!» diýdi. [8]Sebäbi Isa
oňa: «Eý, arwah-jyn, bu adamdan çyk»
diýipdi. [9]Onsoň Isa arwah-jyndan: «Adyň
näme?» diýip sorady. Ol hem: «Adym
Goşun [b], çünki biz köplükdiris» diýip
jogap berdi. [10]Özlerini bu mesgenden
kowup goýbermezligi üçin, olar Isa köp
ýalbardylar. [11]Şol ýerdäki dagyň etegin-
de ullakan bir doňuz sürüsi otlap ýördi.
[12]Arwah-jynlar Isa ýalbaryp: «Bizi şol
doňuzlaryň arasyna goýber, olaryň içine
gireli» diýdiler. [13]Isa olara rugsat berdi.
Arwah-jynlar çykyp, doňuzlara girdiler.
Şonda iki müňe golaý doňuzdan ybarat bu
süri uçutdan aşak zyňyp, kölde paýyrda-
şyp gark boldy. [14]Doňuz çopanlary bolsa
gaçyp gidip, şäherlerdir obalara bu waka-
ny habar berdiler. Halaýyk näme bolanyny
görmäge geldi. [15]Olar Isanyň ýanyna
gelenlerinde, bir goşun arwah-jyn eýelän
adamyň indi egin-eşikli oturanyny, aky-
lynyň hem ýerindedigini görüp gorkdular.
[16]Wakany görenler arwah-jyn eýelän
adama we doňuzlara näme bolandygy ha-
kynda halka gürrüň berdiler. [17]Onsoň halk
özleriniň ýurdundan gitmegi üçin, Isa ýal-
barmaga başlady. [18]Isa gaýyga münende,
arwah-jyndan halas bolan adam Ondan
Özi bilen gitmäge rugsat sorap ýalbardy.
[19]Emma Isa muňa rugsat bermedi. Oňa:

---

[a] **5:1** ***Gerasalylar*** – käbir golýazmalarda *gadaralylar*. Seret: Mat 8:28.
[b] **5:9** ***Goşun*** – grekçe *Legion*. Bu söz alty müň esgerli goşuny aňladýar.

«Öýüňe, özüňkileriň arasyna git, Rebbiň
seniň üçin nämeler edendigini, saňa nä-
hili rehim-şepagat görkezendigini olara
gürrüň ber» diýdi. 20Ol hem gidip, Isanyň
özüne eden ýagşylygynyň baryny Deka-
polisde[a] jar etmäge başlady. Hemmeler
muňa haýran galdy.

### *Direlen gyz, sagalan aýal*
*(Matta 9:18-26; Luka 8:40-56)*

21Isa gaýyk bilen ýene beýleki kenara
geçende, daşyna uly mähelle üýşdi. Isa
kölüň kenaryndady. 22Sinagoga ýolbaş-
çylaryndan Ýaýrus atly bir adam geldi.
Ol Isany görüp, Onuň aýagyna ýykyldy.
23Oňa köp ýalbaryp: «Meniň gyzjagazym
ölüm ýassygynda ýatyr. Gel-de, elleriňi
onuň üstünde goý, sagalyp ýaşasyn!»
diýdi. 24Isa bu adam bilen gitdi. Yzyna
düşüp gelýän uly mähelle Ony her ýan-
dan gysyp-gowrup barýardy. 25Ol ýerde
on iki ýyldan bäri gan akmasy bolan bir
aýal hem bardy. 26Ol köp ejir çekip, ençe-
me lukmanlara görnüp, bar-ýoguny harç
edipdi, ýöne hiç haýyr tapman, gaýtam,
ýagdaýy has beterleşipdi. 27Bu aýal Isa
hakda aýdylýan zatlary eşidip, mähelläniň
içi bilen Onuň arka tarapyndan geldi we
donuna elini degirdi. 28Çünki ol içinden:
«Diňe donuny ellesem-de, sagalaryn»
diýip oýlanýardy. 29Şol wagtyň özünde
onuň gan akmasy kesildi. Aýal derdin-
den saplanandygyny bedeninde duýdy.
30Isa Özünden bir güýjüň çykandygyny
şobada duýup, köpçülige tarap öwrülip:
«Donuma kim elini degirdi?» diýip sorady.
31Şägirtleri Oňa: «Sen Özüňi gysyp-gow-
rup gelýän mähelläni görýärsiň-ä! Onsoň
nädip: „Maňa kim elini degirdi?“ diýip
soraýarsyň?» diýdiler. 32Emma Isa mu-
ny edeni görjek bolup, daş-töweregine
seredýärdi. 33Özüne näme bolandygyny
bilenden soň, ýaňky aýal gorkup, titräp
geldi. Isanyň aýagyna ýykylyp, Oňa ähli
hakykaty aýdyp berdi. 34Isa oňa: «Eý, na-
çar, imanyň saňa şypa berdi. Sag-aman
git, derdiňden saplan» diýdi. 35Ol bu söz-
leri aýdyp durka, sinagoga baştutanynyň
öýünden birnäçe adam gelip: «Gyzyň öldi.
Näme üçin Mugallymy artykmaç biynja-
lyk edýärsiň?» diýdi. 36Isa muny eşiden
badyna, sinagoga baştutanyna: «Gorkma,
diňe iman et!» diýdi.
37Isa Petrusdan, Ýakupdan we onuň
dogany Ýohannadan başga hiç kime Özi
bilen gitmäge rugsat etmedi. 38Sinagoga
baştutanynyň öýüne gelenlerinde, Isa
başagaýlygy, aglaşyp, dady-perýat edip
oturanlary gördi. 39Içeri girip, olara:
«Näme üçin dady-perýat edip, aglaşyp
otyrsyňyz? Çaga ölenok, ol diňe uklap
ýatyr» diýdi. 40Olar bolsa Onuň üstünden
güldüler. Emma Isa hemmäni daşarda
goýup, diňe çaganyň ene-atasyny we Özi
bilen gelenleri alyp, onuň ýatan otagyna
bardy. 41Çaganyň elinden tutup, oňa:
«Talita kum!» diýdi. Bu bolsa «Gyzjagaz,
saňa diýýärin: Tur!» diýmekdir. 42Gyz
dessine ýerinden galyp ýöräp başlady.
Ol on iki ýaşyndady. Muny görenleriň
ählisi gaty geň galdy. 43Isa olara muny
hiç kime bildirmezligi berk tabşyryp,
gyza nahar bermeklerini buýurdy.

## 6-njy bap

### *Nasyrada Isa hormat goýulmaýar*
*(Matta 13:53-58; Luka 4:16-30)*

1Isa ol ýeri taşlap, Öz dogduk mekanyna
gitdi. Şägirtleri hem Onuň yzyna düşüp

[a] ***Dekapolis*** – Samariýa bilen Jeliläniň gündogarynda ýerleşen on şäheriň umumy ady. Sözlüge seret.

gitdiler. 2 Sabat güni Isa sinagogada halka
öwretmäge başlady. Onuň aýdýan zatlary-
ny eşiden köp adamlar haýran galyp: «Bu
Adam munça zady nireden öwrendikä?
Oňa beýle danalygy kim berdikä? Ol nädip
beýle mugjyzalary görkezmegi başar-
ýarka? 3 Ol Merýemiň neçjar ogly dälmi?
Ýogsa-da Ol Ýakup, Ýose [a], Ýahuda we
Simun dagyň dogany dälmi näme? Onuň
uýalary-da biziň aramyzda ýaşaýarlar
ahyry!» diýşip, Isanyň bolşundan nägile
boldular. 4 Onsoň Isa olara: «Pygamberiň
diňe öz dogduk ýurdunda, garyndaşlary-
nyň arasynda we öýünde gadyry ýokdur»
diýdi. 5 Ol birnäçe hassanyň başyna elini
goýup sagaltmakdan başga ol ýerde hiç
bir mugjyza görkezip bilmedi. 6 Isa olaryň
imansyzdygyna geň galdy.

### *Isa şägirtlerini halkyň arasyna iberýär*

*(Matta 10:5-15; Luka 9:1-6)*

Şondan soň Isa töwerekdäki obalara
aýlanyp wagyz etdi. 7 Isa on iki şägirdini
ýanyna çagyryp, olary iki-ikiden ýolla-
maga başlady we olara arwah-jynlaryň
üstünden ygtyýar berdi. 8 Olara şeýle
buýruk berdi: «Ýol üçin ýanyňyza ha-
sadan başga hiç zat almaň. Ne çörek, ne
torba, ne-de guşagyňyzda pul – hiç zat
bolmasyn. 9 Aýagyňyza çaryk geýiň, eg-
niňize artykmaç eşik almaň». 10 Isa ýene
olara: «Haýsy öýe barsaňyz, gaýdýança-
ňyz şol öýde boluň. 11 Eger adamlar sizi
kabul etmeseler, diňlemeseler, ol ýerden
çykyp barýarkaňyz, olara garşy şaýat-
lyk hökmünde aýaklaryňyzyň tozuny
kakyň» diýdi. 12 Şunluk bilen, olar ýola
düşdüler we ähli adamlary toba çagyryp,
wagyz etmäge başladylar. 13 Olar köp ar-
wah-jynlary kowup çykardylar, ençeme
hassalara ýag guýup, olara şypa berdiler.

### *Ýahýa çümdürijiniň ölümi*

*(Matta 14:1-12; Luka 9:7-9)*

14 Bolup geçýän zatlary Hirod paty-
şa-da eşitdi, sebäbi Isanyň at-owazasy
il arasyna ýaýrapdy. Käbir adamlar:
«Ýahýa çümdüriji ölümden direlipdir.
Ol şol sebäpli bu mugjyzalary görke-
zip bilýär» diýýärdiler [b]. 15 Beýlekiler
bolsa: «Bu – Ylýas», käbirleri-de: «Bu
öňki pygamberleriň biri ýaly pygamber-
dir» diýişýärdiler. 16 Hirod bulary eşidip:
«Meniň başyny çapdyran Ýahýam dire-
lipdir!» diýdi. 17-18 Hirod dogany Filipiň
aýaly Hirodiýa öýlenipdi. Ýahýa bolsa
Hiroda: «Seniň öz doganyňyň aýalyna
öýlenmegiň dogry däl» diýipdi. Şonuň
üçin Hirod adam iberip, Ýahýany tut-
durypdy, onuň el-aýagyny gandallap,
zyndana saldyrypdy. 19 Şeýlelikde, Hiro-
diýa Ýahýa garşy ýüreginde kine saklap,
ony öldürmek isleýärdi, ýöne bu elinden
gelmeýärdi. 20 Sebäbi Hirod Ýahýanyň
dogry hem mukaddes adamdygyny bilip,
ondan heder etdi we ony gorady. Ony
diňledigiçe, howsala düşýärdi [ç], emma
şonda-da höwes bilen diňlärdi.

21 Bir güni amatly pursat gabat geldi.
Hirod öz doglan güni mynasybetli köşk
emeldarlaryny, müňbaşylary we Jeliläniň
tanymal adamlaryny çagyryp, toý tutdy.
22 Hirodiýanyň gyzy içeri girip, tans edip,
Hirodyň we onuň myhmanlarynyň göw-
nüni çaglady. Patyşa gyza: «Islän zadyňy
dile, saňa bereýin» diýdi. 23 Onsoň ant
içip, patyşa ýene-de: «Menden näme

---

[a] **6:3** ***Ýose*** – bu Ýusubyň beýleki ady. Seret: Mat 13:55.

[b] **6:14** ***Käbir adamlar… diýýärdiler*** – käbir golýazmalarda *Ol... diýdi.*

[ç] **6:20** ***Howsala düşýärdi*** – bu jümle käbir golýazmalarda *köp zat edýärdi* diýip duş gelýär.

dilegiň bolsa aýt, şalygymyň ýarysy-
da bolsa, saňa bererin» diýdi. 24 Gyz
hem daşary çykyp ejesinden: «Näme
diläýin?» diýip sorady. Ol hem: «Ýah-
ýa çümdürijiniň başyny» diýip jogap
berdi. 25 Gyz dessine patyşanyň ýanyna
ylgap geldi-de: «Häziriň özünde Ýahýa
çümdürijiniň başyny bir tabakda go-
ýup, maňa bermegiňi isleýärin» diýdi.
26 Patyşa gaty tukatlandy, emma myh-
manlaryň ýanynda ant içensoň, gyzyň
dilegini bitirmän, yzyna gaýtarmak
islemedi. 27 Dessine bir jellady ýollap,
Ýahýanyň başyny getirmegi buýurdy.
Jellat baryp, zyndanda Ýahýanyň ba-
şyny çapdy. 28 Çapylan başy bir tabakda
getirip, gyza berdi. Gyz-da ony ejesine
eltip berdi. 29 Ýahýanyň şägirtleri muny
eşidip, onuň jesedini äkitdiler we ony
bir mazarda jaýladylar.

### *Isa bäş müň adamy doýurýar*

*(Matta 14:13-21; Luka 9:10-17; Ýohanna 6:1-14)*

30 Resullar Isanyň ýanyna ýygnanyp,
ähli eden işleri, halka öwreden zatlary
barada Oňa habar berdiler. 31 Isa ola-
ra: «Geliň, ýeke özümiz bir çola ýere
gidip, biraz dem-dynç alalyň» diýdi.
Gelip-gidýänleriň köplüginden ýaňa,
olaryň nahar edinmäge-de elleri deg-
meýärdi. 32 Onsoň olar gaýyga münüp,
ýeke özleri bir çola ýere gitdiler. 33 Gidip
barýarkalar, halaýyk olary görüp tanady.
Şonda ähli şäherlerden adamlar pyýa-
da ýola düşdüler we haýdaşyp, ol ýere
olardan öň bardylar. 34 Isa gaýykdan dü-
şende, uly mähelläni görüp, olara haýpy
geldi, sebäbi olar çopansyz goýunlar
ýalydy. Şonuň üçin olara köp zatlary
öwretmäge başlady. 35 Wagt gijigenden
soň, şägirtler Isanyň ýanyna gelip: «Bu
bir çola ýer, wagt hem gijikdi. 36 Halky
goýber, töwerekdäki obalara gidip, özle-
rine iýmäge zat satyn alsynlar» diýdiler.
37 Emma Isa: «Olara iýmäge zady siz
beriň» diýdi. Olar: «Eýsem biz iki ýüz
kümüş teňňäni çörege sarp edip, ola-
ra iýdirelimi?» diýdiler. 38 Isa olardan:
«Baryň, görüň, näçe çöregiňiz bar?»
diýip sorady. Görenlerinden soň olar:
«Bäş çörek bilen iki balygymyz bar»
diýdiler. 39 Şonda olara hemme adamlary
topar-topar edip, otuň üstünde oturtmagy
buýurdy. 40 Şeýlelikde, olar ýüz-ýüzden,
elli-elliden topar-topar bolup oturdylar.
41 Isa bäş çörek bilen iki balygy alyp,
gözlerini göge dikip şükür etdi we çö-
rekleri bölüşdirip, halka paýlar ýaly,
şägirtlerine berdi. Iki balygy-da olaryň
hemmesine paýlady. 42 Hemmeler iýip
doýdular. 43 Şägirtler artan çörek bölek-
lerini, balyklaryň ownuklaryny ýygnap,
on iki sebedi doldurdylar. 44 Çörekleri
iýen erkekleriň sany bäş müň adamdy.

### *Isa suwuň ýüzünden ýöreýär*

*(Matta 14:22-33; Ýohanna 6:15-21)*

45 Isa halky öýlerine ugradyp durka,
şägirtlerine gaýyga münüp, Özünden öň
beýleki kenardaky Betsaýda geçmekleri-
ni buýurdy. 46 Isa olar bilen hoşlaşandan
soň, Hudaýa doga etmek üçin daga çykdy.
47 Agşam düşende, gaýyk kölüň ortasyn-
dady, Isanyň bolsa ýeke Özi kenardady.
48 Isa olaryň gaýygy kynlyk bilen kürek-
läp barýandyklaryny gördi, sebäbi ýel
olaryň garşysyndan öwüsýärdi. Daňdana
golaý Isa kölde suwuň ýüzünden ýöräp,
olara tarap geldi we ýanlaryndan geçip
gitjek boldy. 49 Emma olar Onuň suwuň
ýüzünden ýöräp gelýänini görenlerin-
de, gözlerine arwah görünýändir öýdüp
gygyryşdylar. 50 Hemmeler Ony görüp
gorkdular. Emma Isa dessine olara söz
gatyp: «Bu – Men, gorkmaň! Dogumly

boluň!» diýdi. 51 Onsoň olaryň ýanyna
gaýyga mündi, ýel hem ýatdy. Olar has
beter geňirgenişip haýran galdylar. 52 Olar
henizem çörekli mugjyza düşünmändiler,
bu olaryň aňyna baryp ýetenokdy.

### *Isa Ginnesaretde hassalara şypa berýär*
*(Matta 14:34-36)*

53 Olar kölüň beýleki tarapyna geçip,
Ginnesarete gelip ýetdiler we ol ýerde
gaýygy bagladylar. 54 Gaýykdan düşen
batlaryna halk Isany tanady. 55 Adamlar
ylgaşyp, şol töwerekdäki ýerlere boýdan-başa aýlandylar we hassalaryny düşekleri bilen Isanyň ýanyna getirdiler. Olar her sapar Isanyň nirededigini eşitseler, hassalaryny şol ýere getirip
başladylar. 56 Isa nirä barsa, oba bolsun,
şäher bolsun ýa-da şäherçe, adamlar hassalary meýdanlarda ýatyryp, diňe donunyň syýyna ellerini degirmäge rugsat etsin diýip, Oňa ýalbarýardylar. Oňa el degrenleriň hemmesi-de şypa tapýardy.

## 7-nji bap

### *Adamy näme murdar edýär?*
*(Matta 15:1-20)*

1 Iýerusalimden gelen fariseýler bilen
birnäçe Töwrat mugallymlary Isanyň
daşyna üýşdüler. 2 Olar Isanyň şägirt-
lerinden käbiriniň elini ýuwman nahar iýip, ýahudylaryň dessuryny bozandygyny gördüler. 3 Fariseýler bilen ähli
ýahudylar ata-babalaryndan galan dessur boýunça ellerini oňat ýuwmazdan nahar
iýmeýärdiler. 4 Bazardan gelenlerinde-de,
ýuwunman hiç zat iýmeýärdiler. Şeýle-de käse, gap-çanak, gazanlary [a] tämizlemek ýaly dessurlary hem saklaýardylar.
5 Şonuň üçin fariseýler bilen Töwrat mugallymlary Isadan: «Näme üçin Seniň şägirtleriň ata-babalarymyzdan galan adata eýermeýärler? Näme üçin ellerini ýuwman nahar iýýärler?» diýip soradylar.
6 Isa olara: «Işaýa pygamber siz ikiýüzlüler hakda jaýdar pygamberlik edipdir! Onda şeýle ýazylan:

„Bu halk Meni dilinde hormatlaýar,
emma ýürekleri Menden
uzakdadyr.
7 Biderek ýere Maňa sežde edýärler,
taglymat diýip öwredýänleri
ynsan buýruklarydyr“.
8 Siz ynsan däp-dessurlaryna
eýerip [b], Hudaýyň buýrugyny
terk edýärsiňiz» diýdi.

9 Isa ýene olara şeýle diýdi: «Öz adatlaryňyzy berjaý etmek üçin, siz Hudaýyň buýruklaryndan ýüz döndermegiň oňat
ýoluny tapypsyňyz! 10 Musa: „Ata-eneňe
hormat goý“ we „Atasyna ýa-da enesine gargan adam ölüme höküm edilsin“
diýip buýrupdy. 11-12 Emma siz kimdir
biriniň ene-atasyna: „Men size kömek edip biljek däl. Size bermegi niýet eden zatlarym korbandyr“ (korban – „Hudaýa sadaka“ diýmegi aňladýar) [ç] diýip aýtmagyny dogry hasaplaýarsyňyz, şunlukda,

---

[a] **7:4** Käbir golýazmalarda *düşekleri* diýen söz hem bar.
[b] **7:8** Käbir golýazmalarda *käsedir gap-çanaklary ýuwup tämizlemek ýaly köp işler edip* diýen jümle hem bar.
[ç] **7:11-12** Ýewreý adatyna görä, adamlar Hudaý üçin sadaka berjek puluny «korban» diýip atlandyrypdyrlar. Bu puly maşgalanyň mätäçlikleri üçin ulanmak gadagandy.

---

**7:6-7** Işa 29:13. **7:10** Msr 20:12; 21:17; Kan 5:16.

siz oňa öz ata-enesine kömek bermegi
gadagan edýärsiňiz. 13 Şeýdip, siz ne-
silden-nesle galdyrýan adatlaryňyzyň
hatyrasyna Hudaýyň sözüni puja çykar-
ýarsyňyz. Başga-da şuňa meňzeş köp
zatlary edýärsiňiz». 14 Ol mähelläni ýene
ýanyna çagyryp, olara: «Hemmäňiz
Meni diňläň hem düşüniň. 15 Adamyň
içine girýän hiç bir zat ony murdar edip
bilmez. Adamy murdar edýän zatlar
onuň öz içinden çykýandyr» diýdi. [a]

17 Ol mähelläniň ýanyndan aýrylyp, öýe
girende, şägirtleri Ondan bu tymsalyň
manysyny soradylar. 18 Isa olara: «Eýsem,
siz hem düşüneňzokmy? Adamyň içine
giren hiç bir zadyň ony murdar etmeýän-
digini bilmeýärsiňizmi? 19 Bular adamyň
ýüregine däl-de, garnyna girýär, ol ýer-
den-de daşary çykýar» diýip jogap berdi.
Şeýle diýmek bilen, Isa ähli iýmitleriň
tämizdigini yglan etdi. 20 Ol ýene: «Ada-
my murdar edýän onuň öz içinden çykýan
zatlardyr. 21-22 Çünki içden, adamyň ýüre-
ginden erbet pikirler, azgynlyk, ogurlyk,
ganhorlyk, zynahorlyk, açgözlük, ýaman-
lyk, hile, ahlaksyzlyk, göriplik, sögünç,
tekepbirlik we akmaklyk çykýar. 23 Bu
erbet zatlaryň ählisi içden çykyp, adamy
murdar edýär» diýdi.

### *Siriýaly aýalyň imany*
*(Matta 15:21-28)*

24 Isa ol ýerden çykyp, Sur şäheriniň [b]
töweregine gitdi. Ol bir öýe bardy we hiç
kimiň bu barada bilmegini islemeýärdi,
ýöne muny gizlin saklap bilmedi. 25 Kiçi-
jik gyzyny arwah-jyn eýelän bir aýal Isa
hakdaky habarlary eşiden badyna gelip,
Onuň aýagyna ýykyldy. 26 Ol aýalyň asly
Siriýanyň Finikiýa ülkesinden bolup, ol
ýahudy däldi. Ol gyzyndan arwah-jyny
kowup çykarmagyny sorap, Isa ýalbardy.
27 Isa oňa: «Goý, öňürti çagalar doýsun.
Çagalaryň çöregini alyp, itlere zyňmak
dogry däldir» diýdi. 28 Aýal hem: «Hawa,
Agam! Ýöne itler hem çagalaryň saçak
başynda döken çörek owuntyklaryndan
iýýändir» diýdi. 29 Isa oňa: «Bu sözüň
üçin, bar, gidiber, arwah-jyn seniň gy-
zyňdan çykdy» diýdi. 30 Aýal öýüne
baranda, gyzynyň arwah-jyndan halas
bolup, düşeginde ýatanyny gördi.

### *Isa ker adama şypa berýär*

31 Onsoň Isa Sur we Sidon etraplaryn-
dan gaýdyp, Dekapolis sebitleriniň üsti
bilen Jelile kölüne geldi. 32 Isanyň ýanyna
ker hem peltek bir adamy getirip, onuň
başyna elini goýmagyny sorap, Oňa
ýalbardylar. 33 Isa ol adamy mähelläniň
içinden bir çete çykaryp, barmaklaryny
onuň gulaklaryna sokdy, tüýkürip, onuň
diline elini degirdi. 34 Onsoň göge ba-
kyp, uludan demini aldy-da: «Effata!»,
ýagny «Açyl» diýdi. 35 Ýaňky adamyň
gulaklary şobada açylyp, dili dürs gep-
lemäge başlady. 36 Isa muny görenlere bu
barada hiç kime aýtmazlygy tabşyrdy.
Emma Ol näçe köp tabşyrsa, olar bu
habary şonça-da köp ýaýratdylar. 37 Halk
çakdanaşa geňirgenişip: «Ol ähli zadyň
hötdesinden gelýär, hatda kerleriň gula-
gyny, lallaryň dilini açýar» diýişýärdi.

## 8-nji bap

### *Isa dört müň adamy doýurýar*
*(Matta 15:32-39)*

1 Şol günler ýene bir uly mähelle
ýygnandy. Olaryň iýmäge hiç zatlary bol-

[a] **7:15** Käbir golýazmalarda 16-njy aýat duş gelýär: *Eşitmäge gulagy bar adam eşitsin!*
[b] **7:24** Käbir golýazmalarda *Sur we Sidon şäherleriniň.*

mansoň, Isa şägirtlerini ýanyna çagyryp,
olara: 2«Bu mähellä haýpym gelýär! Bular
üç gün bäri Meniň ýanymda, iýmäge hem
hiç zatlary ýok. 3Bulary öýlerine aç goý-
bersem, ýolda ysgyndan gaçarlar. Olaryň
käbiri uzak ýerden gelipdir» diýdi. 4Şä-
girtleri Ondan: «Bu çöllükde olary doýrar
ýaly çöregi nireden tapyp bolarka?» diýip
soradylar. 5Isa: «Näçe çöregiňiz bar?» di-
ýip, olaryň özlerinden sorady. Olar: «Ýedi
sany» diýip jogap berdiler. 6Onsoň Isa
mähellä ýerde oturmagy buýurdy. Ýedi
çöregi alyp, şükür edeninden soň, bölüş-
dirdi-de, paýlamak üçin şägirtlerine berdi.
Olar hem bulary mähellä paýladylar. 7Ola-
ryň biraz balyklary hem bardy. Isa şükür
edeninden soň, olary hem paýlamagy
buýurdy. 8Hemmeler iýip doýdular, ar-
typ galan bölekleri ýygnap, ýedi sebedi
doldurdylar. 9Iýenler dört müňe golaý
adamdy. Onsoň Isa olary ugratdy. 10Özi
bolsa dessine şägirtleri bilen gaýyga mü-
nüp, Dalmanuta sebitlerine gitdi.

### *Fariseýleriň we Hirodyň hamyrmaýasyndan ägä boluň!*
*(Matta 16:1-12)*

11Fariseýler gelip, Isa bilen jedelleşmä-
ge başladylar. Ony synajak bolup, gökden
bir gudratly alamat görkezmegini talap
etdiler. 12Ol hem ah çekip: «Näme üçin
bu nesil alamat talap edýär? Size dogru-
syny aýdýaryn, bu nesle hiç bir alamat
görkeziljek däldir» diýdi. 13Isa olaryň
ýanyndan gitdi we ýene gaýyga münüp,
beýleki kenara geçdi. 14Şägirtleri çörek
almagy unudan ekenler. Gaýykda ýan-
larynda diňe ýekeje çörek bardy. 15Isa
olara: «Hüşgär boluň! Fariseýler bilen
Hirodyň hamyrmaýasyndan ägä boluň»
diýip, duýduryş berdi. 16Olar bolsa özara
çekeleşip: «Isa muny biziň çöregimiziň
ýokdugy üçin aýdýar» diýişýärdiler. 17Isa
olaryň näme diýişýändiklerini bilip, olar-
dan: «Näme üçin çöregimiz ýok diýşip
çekeleşýärsiňiz? Siziň entegem akyly-
ňyz ýetenokmy, düşünmeýärsiňizmi?
Ýüregiňiz şeýle gatymy? 18Gözli bolup,
görmeýärsiňizmi? Gulakly bolup, eşitme-
ýärsiňizmi? Bolup geçen zatlar ýadyňyza
düşmeýärmi? 19Men bäş çöregi bäş müň
adama bölüp paýlanymda, galan döwüm-
lerden näçe sebet doldurypdyňyz?» diýip
sorady. Olar: «On iki» diýip jogap ber-
diler. 20Isa ýene: «Ýedi çöregi dört müň
adama bölüp paýlanymda, artyp galany
näçe sebet bolupdy?» diýip sorady. Olar:
«Ýedi» diýdiler. 21Şonda Isa olara: «Entek
hem düşünmeýärsiňizmi?» diýdi.

### *Isa kör adamy sagaldýar*

22Onsoň Isa bilen şägirtleri Betsaýda
geldiler. Ol ýerde Isanyň ýanyna bir
kör adamy getirdiler we oňa elini de-
girmegini sorap, Oňa ýalbardylar. 23Isa
kör adamyň elinden tutup, ony obanyň
daşyna çykardy. Isa onuň gözlerine tüý-
kürip, ellerini onuň başyna goýup: «Bir
zat görýärsiňmi?» diýip sorady. 24Kör
başyny galdyryp: «Adamlary görýärin,
olar ýöräp barýan agaçlar ýaly bolup gö-
rünýär» diýdi. 25Isa ýene-de ellerini onuň
gözlerine goýdy. Kör çiňerilip seretdi,
şypa tapyp, bar zady aýdyň gördi. 26Isa:
«Oba girme [a]» diýip, ony öýüne iberdi.

### *Petrus Isanyň Mesihdigini ykrar edýär*
*(Matta 16:13-20; Luka 9:18-21)*

27Isa şägirtleri bilen Kaýsariýa-Filip şä-
heriniň golaýyndaky obalara gitdi. Ýolda
Isa şägirtlerinden: «Adamlar Maňa kim
diýýärler?» diýip sorady. 28Şägirtleri:

[a] **8:26** Käbir golýazmalarda *muny obada hiç kime aýtma* diýen jümle hem bar.

«Käbirleri Ýahýa çümdüriji, käbirleri
Ylýas, başga birleri-de – pygamberlerden
biri diýýärler» diýip jogap berdiler. 29 Isa
olardan: «Siz Maňa kim diýýärsiňiz?» di-
ýip sorady. Petrus: «Sen Mesihsiň» diýip
jogap berdi. 30 Şonda Isa olara Özi hakyn-
da hiç kime hiç zat aýtmazlygy tabşyrdy.

### *Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar*
*(Matta 16:21-28; Luka 9:22-27)*

31 Onsoň Isa şägirtlerine Ynsan Oglu-
nyň köp görgüler görmelidigi, ýaşulular,
ýolbaşçy ruhanylar, Töwrat mugallymlar
tarapyndan ret edilmelidigi, öldürilme-
lidigi we üç günden soň direlmelidigi
hakynda öwretmäge başlady. 32 Ol bu söz-
leri açyk aýtdy. Petrus bolsa Ony bir çete
çekip, Onuň aýdanlaryna garşy çykmaga
başlady. 33 Emma Isa öwrülip, şägirtlerine
seretdi we Petrusa: «Çekil öňümden, şeý-
tan! Sen Hudaýyň işlerini däl-de, ynsan
işleri hakda oýlanýarsyň» diýip käýedi.
34 Isa şägirtleri bilen birlikde mähelläni-de
ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi: «Kim
Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa,
özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma
düşsün. 35 Kim janyny halas etmek islese,
ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we
Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas
eder. 36 Ynsan tutuş dünýäni gazanybam,
janyndan mahrum bolsa, oňa näme peý-
dasy bar? 37 Ynsan öz janyna derek näme
berip biler? 38 Bu biwepa, günäkär nesliň
arasynda kim Menden we Meniň sözle-
rimden utansa, Ynsan Ogly-da Atasynyň
şöhratynda mukaddes perişdeleri bilen
gelen mahaly ondan utanar».

## 9-njy bap

1 Isa olara şeýle diýdi: «Size dogrusyny
aýdýaryn: bu ýerde duranlaryň käbiri
Hudaýyň Şalygynyň gudrat bilen gel-
ýänini görmezden ölmezler».

### *Isanyň keşbi üýtgeýär*
*(Matta 17:1-13; Luka 9:28-36)*

2 Alty günden soň Isa ýanyna diňe Pet-
rusy, Ýakuby we Ýohannany alyp, bir
beýik dagyň üstüne çykdy. Şol ýerde
olaryň gözüniň alnynda Onuň keşbi üýt-
gedi. 3 Onuň eginbaşy gözüňi gamaşdyryp
barýan ap-ak reňke öwrüldi welin, ýer
ýüzünde hiç kim ony beýle agardyp biljek
däldi. 4 Şonda şägirtlere Ylýas bilen Musa
göründi. Olar Isa bilen gepleşip durdular.
5 Petrus Isa: «Mugallym! Bize bu ýerde
bolmak ýakymly, gel, üç çadyr dikeli: bi-
ri – Saňa, biri – Musa, biri – Ylýasa» diýdi.
6 Gaty gorkandyklary üçin, Petrus näme
diýýänini özi hem bilenokdy. 7 Şol wagt bir
bulut gelip, olaryň üstüni örtdi. Bulutdan:
«Bu Meniň söwer Oglumdyr! Oňa gulak
asyň» diýen bir owaz geldi. 8 Birdenkä şä-
girtler daş-töweregine seretdiler, emma öz
ýanlarynda Isadan başga hiç kime gözleri
düşmedi. 9 Onsoň dagdan inip gelýärkäler,
Isa olara Ynsan Ogly ölümden direlýänçä,
bu gören zatlaryny hiç kime aýtmazlygy
buýurdy. 10 Şägirtler Onuň bu sözüni ýü-
reklerinde saklap, ölümden direlmegiň
näme aňladýandygy barada biri-birlerin-
den soraýardylar. 11 Olar Isadan: «Näme
üçin Töwrat mugallymlary öňürti Ylýas
gelmelidir diýýärler?» diýip soradylar.
12 Isa hem olara: «Dogrudan-da, öňürti
Ylýas gelip, ähli zady düzetmeli. Emma
Ynsan Oglunyň köp görgi görüp, ret edil-
melidigi hakynda hem ýazylan ahyryn.
13 Men size şuny aýdýaryn: Ylýas birwagt
geldi we ol hakda ýazylyşy ýaly, oňa islän
zatlaryny etdiler» diýdi.

### *Isa arwah-jyn eýelän oglany sagaldýar*
*(Matta 17:14-23; Luka 9:37-45)*

14 Olar beýleki şägirtleriň ýanyna
gelenlerinde, olaryň daşyna üýşüp

duran uly mähelläni gördüler. Töwrat
mugallymlaryň käbiri şägirtler bilen
jedelleşip durdy. 15 Tutuş mähelle Isany
gören badyna, geň galdy we hemmeler
dessine ylgaşyp gelip, Oňa salam ber-
diler. 16 Isa adamlardan: «Bular bilen
näme hakda jedelleşýärsiňiz?» diýip
sorady. 17 Mähelläniň içinden biri Oňa:
«Mugallym! Seniň ýanyňa oglumy ge-
tirdim. Arwah-jyn ol geplemez ýaly,
onuň dilini baglady. 18 Arwah-jyn ony
tutanda ýere urýar. Oglan agzyny kö-
pürjikledip, dişlerini gyjyrdadyp gatap
galýar. Seniň şägirtleriňden oglumdan
arwah-jyny kowup çykarmaklaryny
haýyş etdim, ýöne olar başarmady»
diýip jogap berdi. 19 Isa olara: «Eý, iman-
syz nesil, Men haçana çenli siziň bilen
bolaýyn? Haçana çenli size çydaýyn?
Oglany Meniň ýanyma getiriň» diýdi.
20 Olar ony Isanyň ýanyna getirdiler.
Arwah-jyn Isany gören badyna, oglany
gaty silterledi. Oglan ýere ýazylyp, ag-
zyny köpürjikledip, togalanmaga başlady.
21 Isa oglanyň kakasyndan: «Munuň
beýle bolanyna näçe wagt boldy?» di-
ýip sorady. Kakasy: «Çagalygyndan
bäri şeýle. 22 Arwah-jyn ony heläkle-
jek bolup, telim gezek oda, suwa atdy.
Gaýrat et-de, başardygyňdan kömek et,
bize haýpyň gelsin!» diýdi. 23 Isa oňa:
«Başardygyňdan diýmäň näme? [a] Iman
edýän üçin hemme zat mümkindir!»
diýdi. 24 Şobada oglanyň kakasy aglap:
«Iman edýärin, imansyzlygymy ýeň-
mäge kömek et!» diýip gygyrdy. 25 Isa
mähelläniň ylgaşyp gelýänini görende,
arwah-jyna käýäp: «Eý, kerlik hem lal-
lyk ruhy! Saňa buýurýaryn, oglanyň
içinden çyk, oňa gaýdyp girme!» diýdi.
26 Arwah-jyn gygyryp, oglany has beter
silterledi-de, ondan çykdy. Oglan ölene
meňzeýärdi, şonuň üçin ol ýerdäkileriň
köpüsi: «Ol öldi» diýişýärdi. 27 Emma
Isa oglanyň elinden tutup galdyrdy, ol
hem ýerinden turdy. 28 Isa öýe girenden
soň, şägirtleri özli-özlerikä Ondan: «Biz
näme üçin arwah-jyny çykaryp bilme-
dik?» diýip soradylar. 29 Isa olara: «Bu
hili arwah-jynlary Hudaýa doga-dileg
etmekden [b] başga hiç zat bilen çykaryp
bolýan däldir» diýdi.

### *Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar*

30 Olar ol ýerden çykyp, Jelilä-
niň üstünden geçdiler. Isa özleriniň
niredediklerini hiç kimiň bilmegini is-
lemeýärdi. 31 Ol şägirtlerine: «Ynsan Ogly
ynsanlaryň eline berler, Ony öldürerler,
ýöne öldürenlerinden üç günden soň, Ol
direler» diýdi. 32 Emma olar bu sözlere
düşünmediler, soramaga-da gorkdular.

### *Iň beýik kim?*
*(Matta 18:1-5; Luka 9:46-48)*

33 Olar Kapernauma bardylar. Öýe gi-
renden soň, Isa olardan: «Ýolda näme
hakda jedelleşýärdiňiz?» diýip sorady.
34 Emma olaryň hiç birinden ses çykmady,
sebäbi ýolda biri-birleri bilen kimiň iň be-
ýikdigi hakda jedelleşipdiler. 35 Isa oturyp,
Onkileri ýanyna çagyryp, olara: «Biri
ilkinji bolmak isleýän bolsa, hemmäniň
soňkusy hem hyzmatkäri bolmalydyr»
diýdi. 36 Onsoň bir çagany alyp, olaryň
ortasynda duruzdy-da, ony gujaklap, ola-
ra: 37 «Kim şunuň ýaly bir çagany Meniň
adymdan kabul etse, Meni kabul etdigidir.
Kim Meni kabul etse, Meni däl-de, Meni
Ibereni kabul edýändir» diýdi.

---

[a] **9:23** ***Başardygyňdan diýmäň näme?*** – käbir golýazmalarda *Eger iman etmegi başarsaň.*
[b] **9:29** ***Hudaýa doga-dileg etmekden*** – käbir golýazmalarda *doga-dileg we agyz beklemekden.*

### *Bize garşy bolmadyk biziň tarapymyzdadyr*
*(Luka 9:49,50)*

38 Ýohanna Isa ýüzlenip: «Mugallym!
Biz Seniň adyň bilen arwah-jynlary
çykarýan bir adamy gördük, ýöne
onuň biziň bilen bile däldigi üçin, ony
togtatmak isledik» diýdi. 39 Isa: «Ony
togtatmaň! Çünki Meniň adym bilen
mugjyza görkezip, yzysüre Meni ýa-
manlap biljek adam ýokdur. 40 Kim bize
garşy bolmasa, biziň tarapymyzdadyr.
41 Mesihe baglydygyňyz üçin, kim Meniň
adym bilen size bir käse suw berse, size
dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz
galmaz» diýdi.

### *Günä gazandyrýan zatlary taşlaň*
*(Matta 18:6-9; Luka 17:1,2)*

42 Isa ýene söze başlady: «Kimde-kim
Maňa ynanýan bu pes göwünlilerden bi-
riniň günä etmegine sebäp bolsa, onuň
boýnundan uly degirmen daşy asylyp,
deňze zyňlany has gowy bolar. 43 Eliň
seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony
kes. Golak bolup baky ýaşaýşa gowuş-
mak, iki elli bolup dowzaha, sönmez
oda zyňylmakdan gowudyr. [a] 45 Eger
aýagyň seniň günä etmegiňe sebäp bol-
sa, ony çap. Saňa çolak bolup ýaşaýşa
gowuşmak, iki aýakly bolup dowzaha,
sönmez oda zyňylmakdan gowudyr. [b]
47 Eger gözüň günä etmegiňe sebäp bolsa,
ony oýup çykar. Saňa ýeke gözli bolup
Hudaýyň Şalygyna girmek, iki gözli
bolup dowzaha zyňylmakdan gowudyr.
48 Olaryň jesetlerini iýýän gurt ölmez,
olary ýakýan ot sönmez. 49 Hemmeler ot-
da duzlanar [ç]. 50 Duz gowy zatdyr, emma
ol öz tagamyny ýitirse, onda oňa nädip
tagam berersiňiz? Duz ýaly tagamly
boluň, özara parahatlykda ýaşaň».

## 10-njy bap

### *Aýrylyşmak hakynda*
*(Matta 19:1-12; Luka 16:18)*

1 Isa ol ýerden çykyp, Iordan derýasy-
nyň aňyrsyndaky Ýahudyýa welaýatyna
gitdi. Onuň daşyna ýene-de bir topar mä-
helle üýşdi we Ol ýene-de hemişeki ýaly
olara öwretmäge durdy. 2 Birnäçe fariseý
gelip, Ony synamak üçin: «Bir adamyň
aýaly bilen aýrylyşmagy kanuna dogry
gelýärmi?» diýip sorady. 3 «Musa size
nähili buýruk berdi?» diýip, Isa olaryň
özlerinden sorady. 4 Olar: «Musa talak
haty esasynda aýrylyşmaga ygtyýar be-
ripdi» diýdiler. 5 Isa olara: «Musa size
doňýürekdigiňiz üçin bu buýrugy ýazdy.
6 Aslynda Hudaý ýaradylyşyň başynda
ynsanlary erkek we aýal edip ýaratdy.
7-8 Şol sebäpden hem erkek ata-enesini
taşlap, aýaly bilen birleşýär we olaryň iki-
si bir ten bolýar. Şeýlelikde, olar indi iki
däl, bir tendir. 9 Şonuň üçin hem Hudaýyň
birleşdirenini ynsan aýyrmasyn» diýdi.
10 Öýe gelenlerinde, şägirtleri bu ba-
rada Ondan ýene soradylar. 11 Isa olara:

---

[a] **9:43** Käbir golýazmalarda 44-nji aýat duş gelýär: *Olaryň jesetlerini iýýän gurt ölmez, olary ýakýan ot sönmez.*

[b] **9:45** Käbir golýazmalarda 46-njy aýat duş gelýär: *Olaryň jesetlerini iýýän gurt ölmez, olary ýakýan ot sönmez.*

[ç] **9:49** Käbir golýazmalarda *we hemme gurbanlyklar duz bilen duzlanar* diýen jümle hem bar.

---

**9:48** Işa 66:24. **10:6** Gçk 1:27. **10:7-8** Gçk 2:24.

«Aýalyny aýryp, başga aýala öýlenen
adam öz aýalyna garşy zyna edýändir.
12 Aýal hem ärinden aýrylyp, başga erke-
ge barsa, öz ärine garşy zyna edýändir»
diýip jogap berdi.

### *Isa çagalara pata berýär*
*(Matta 19:13-15; Luka 18:15-17)*

13 Başlaryna elini goýsun diýip, adam-
lar çagalary Isanyň ýanyna getirdiler,
emma şägirtler muny görüp, olara kä-
ýediler. 14 Isa muny görende, gahary
geldi. Ol şägirtlerine: «Çagalary Me-
niň ýanyma goýberiň, olary saklamaň.
Hudaýyň Şalygy şular ýalylaryňkydyr.
15 Size dogrusyny aýdýaryn, kim Huda-
ýyň Şalygyny çaga ýaly kabul etmese,
ol ýere asla girip bilmez» diýdi. 16 Ol
çagalary gujaklap, başlaryna elini goýup,
olara pata berdi.

### *Baýlyk we baky ýaşaýyş*
*(Matta 19:16-30; Luka 18:18-30)*

17 Isa ýaňy ýola düşen mahaly bir adam
ylgap geldi-de, öňünde dyza çöküp, On-
dan: «Eý, ýagşy Mugallym! Men baky
ýaşaýşy miras almak üçin näme etmeli?»
diýip sorady. 18 Isa oňa: «Näme üçin Ma-
ňa ýagşy diýýärsiň? Ýeke-täk Hudaýdan
başga hiç kim ýagşy däldir. 19 Sen Onuň:
„Adam öldürme, zyna etme, ogurlyk
etme, ýalan şaýatlyk etme, hiç kimiň
hakyny iýme, ata-eneňe hormat goý"
diýen tabşyryklaryny bilýänsiň ahy-
ryn» diýip jogap berdi. 20 Ýaňky adam
Oňa: «Men ýaşlygymdan bäri bularyň
baryny berjaý edip gelýärin» diýdi. 21 Isa
oňa söýgüden doly mähir bilen seredip:
«Seniň ýekeje kemiň bar. Git-de, nämäň
bar bolsa satyp, garyplara paýla, şon-
da gökde hazynaň bolar. Onsoň gel-de,
Meniň yzyma düş» diýdi. 22 Ýaş ýigit
bu sözi eşidip, tukat bolup gitdi, sebäbi
onuň mal-mülki köpdi.
23 Isa töweregine seredip, şägirtlerine:
«Baý adamlaryň Hudaýyň Şalygyna gir-
megi nähili kyn!» diýdi. 24 Şägirtler Onuň
sözlerine haýran galdylar. Isa ýene olara:
«Ogullarym, Hudaýyň Şalygyna gir-
mek [a] nähili kyn! 25 Bir düýäniň iňňäniň
gözünden geçmegi baý adamyň Hudaýyň
Şalygyna girmeginden aňsatdyr» diýdi.
26 Şägirtler çakdanaşa haýran galyp, biri-
-birlerine: «Onda kim halas bolup biler?»
diýişdiler. 27 Isa olara seredip: «Ynsanlar
üçin bu mümkin däldir, emma Hudaý
üçin beýle däl – Hudaý üçin ähli zat
mümkindir» diýdi. 28 Petrus Oňa: «Ine,
biz ähli zadymyzy taşlap, Seniň yzyňa
düşdük» diýip söze başlady. 29 Isa: «Si-
ze dogrusyny aýdýaryn, Meniň we Hoş
Habaryň hatyrasyna öýüni, doganlary-
ny, uýalaryny, ene-atasyny, çagalaryny
ýa-da mülk ýerlerini taşlabam, 30 bu
döwürde çekjek azaplary bilen birlik-
de, yzyna ýüz esse edip öýler, doganlar,
uýalar, ene-atalar, çagalar, mülk ýerler
almajak adam ýokdur. Geljek döwürde
olar baky ýaşaýşa gowşarlar. 31 Emma
ilkinjileriň köpüsi soňkular, soňkularyň
köpüsi hem ilkinjiler bolar» diýdi.

### *Isa ölüp direljegini ýene aýdýar*
*(Matta 20:17-19; Luka 18:31-34)*

32 Isa şägirtleri bilen Iýerusalime tarap
ýola düşdi, Ol olaryň öňlerinden ýöräp

[a] **10:24** ***Hudaýyň Şalygyna girmek*** – käbir golýazmalarda *baýlyga bil baglaýanlar üçin Hudaýyň Şalygyna girmek.*

**10:19** Msr 20:12-16; Kan 5:16-20.

barýardy. Şägirtler Isa haýran galýardy-
lar. Isanyň yzyna düşüp barýan halky
hem gorky gaplap alypdy. Isa ýene-de on
iki şägirdini bir çete çekip, Öz başyna
geljek wakalar barada gürrüň bermäge
başlady: 33«Ine, Iýerusalime barýarys.
Ynsan Ogly ýolbaşçy ruhanylaryň, Töw-
rat mugallymlaryň eline tabşyrylar. Ony
ölüme höküm edip, keseki milletlere
tabşyrarlar. 34Ony masgaralap, üstüne
tüýkürerler, gamçylarlar, soňra öldürer-
ler, emma üç günden soň[a] Ol direler».

### *Ýakup bilen Ýohannanyň dilegi*
*(Matta 20:20-28)*

35Zebedeýiň ogullary Ýakup bilen
Ýohanna Isanyň ýanyna baryp, Oňa:
«Mugallym! Biziň Senden bir dilejek
zadymyz bar, şony ýerine ýetirmegiňi
isleýäris» diýdiler. 36Isa olardan: «Siziň
üçin näme etmegimi isleýärsiňiz?» diýip
sorady. 37Olar hem: «Sen Öz şöhratly
tagtyňda birimiziň sagyňda, birimi-
ziň çepiňde oturmagymyza rugsat et»
diýdiler. 38Emma Isa olara: «Siz näme
dileýäniňizi bilmeýärsiňiz. Meniň içjek
hasrat käsämden siz içip bilersiňizmi?
Meniň hasratyma çümdürilip bilersiňiz-
mi?» diýdi. 39Olar-da: «Hawa, bileris!»
diýdiler. Isa olara: «Siz Meniň içjek
käsämden içersiňiz. Meniň hasratyma
çümdürilersiňiz. 40Ýöne size sagymda ýa
çepimde oturmaga rugsat bermek Meniň
elimde däl. Bu kimler üçin taýýarlanan
bolsa, şolar üçindir» diýdi. 41Beýleki on
şägirt muny eşidip, Ýakup bilen Ýohan-
na gaharlanmaga başladylar. 42Isa olary
ýanyna çagyryp: «Özüňiz bilýärsiňiz,
keseki milletleriň arasynda baştutan
saýylýanlar olara hökümdarlyk edýärler,
ýokary wezipelileri-de agalyk edýärler.
43Siziň araňyzda beýle bolmasyn. Ara-
ňyzda kim üstün bolmak isleýän bolsa,
beýlekileriň hyzmatkäri bolsun. 44Kim
ilkinji bolmak isleýän bolsa, beýlekileriň
guly bolsun. 45Ynsan Ogly hem Özüne
hyzmat edilmegi üçin däl-de, eýsem,
başgalara hyzmat etmek üçin, köpleriň
ugrunda janyny gurban edip, olary azat
etmek üçin geldi» diýdi.

### *Isa kör Bartimeýiň gözlerini açýar*
*(Matta 20:29-34; Luka 18:35-43)*

46Soňra olar Ýeriho şäherine geldiler. Isa
şägirtleri we uly mähelle bilen bu şäherden
çykyp barýarka, Timaý ogly Bartimeý kör
ýoluň gyrasynda dilegçilik edip otyrdy.
47Nasyraly Isanyň ol ýerdedigini eşidip:
«Eý, Dawut Ogly Isa! Maňa rehim et!» di-
ýip gygyrmaga durdy. 48Köp adamlar oňa
sesiň çykmasyn diýip käýediler, emma ol
öňküden hem gaty ses bilen: «Eý, Dawut
Ogly! Maňa rehim et!» diýip gygyrdy.
49Isa aýak çekip: «Ony çagyryň» diýdi.
Köre: «Dogumly bol, tur ýeriňden, Ol
seni çagyrýar» diýdiler. 50Kör donuny bir
ýana taşlap turdy-da, Isanyň ýanyna geldi.
51Isa ondan: «Seniň üçin näme etmegimi
isleýärsiň?» diýip sorady. Kör adam: «Ha-
lypa, gözlerim açylsyn!» diýdi. 52Isa hem
oňa: «Bar, imanyň saňa şypa berdi» diýdi.
Şobada bu adamyň gözleri açyldy. Onsoň
ol hem Isanyň yzyna düşüp gidiberdi.

## 11-nji bap

### *Isa Iýerusalime uly dabara bilen girýär*
*(Matta 21:1-11; Luka 19:28-40;*
*Ýohanna 12:12-19)*

1Isa bilen şägirtleri Iýerusalime go-
laýlap, Zeýtun dagynyň etegindäki
Beýtfaj we Beýtaniýa gelenlerinde, Isa

[a] **10:34** ***Üç günden soň*** – käbir golýazmalarda *üçülenji gün.*

iki şägirdini ýollap, olara: 2«Öňüňizdäki
oba baryň. Oba giren ýeriňizde daňylgy
duran taýhar taparsyňyz, onuň üstüne şu
wagta çenli hiç kim münen däldir. Ony
çözüň-de, bäri alyp geliň. 3Eger biri siz-
den: „Näme üçin ony çözýärsiňiz?“ diýip
sorasa, oňa: „Bu taýhar Rebbe gerek, ony
basym yzyna iberer“ diýip aýdyň» diýdi.
4Şägirtler gitdiler we köçede bir gapynyň
agzynda daňylgy duran taýhary tapyp,
ony çözdüler. 5Ol ýerde duran birnäçe
kişi olara: «Näme üçin taýhary çözýär-
siňiz?» diýip soradylar. 6Olar-da Isanyň
aýdanyny aýtdylar. Onsoň ýaňky adamlar
olary goýberdiler. 7Taýhary Isanyň ýany-
na getirip, donlaryny onuň üstüne atdylar,
Isa-da taýhara mündi. 8Köp adamlar
donlaryny, käbirleri-de agaçlardan şaha
kesip, ýola düşediler. 9Öňden barýanlar
we yzdan gelýänler: «Hudaýa öwgüler
bolsun! Rebbiň adyndan Gelýäne alkyş
bolsun! 10Atamyz Dawudyň golaýlan pa-
tyşalygy gutly bolsun, göklerde alkyş!»
diýip gygyryşýardylar.

11Isa Iýerusalime baryp, ybadathana
girdi. Daş-töweregindäki ähli zatla-
ry gözden geçirdi. Soňra gün gijigip
barýandygy üçin, on iki şägirdi bilen
bilelikde Beýtaniýa gitdi.

### *Injir agajyna gargyş*
*(Matta 21:18,19)*

12Ertesi gün Beýtaniýadan çykanlaryn-
da, Isa ajykdy. 13Uzagrakda gür ýaprakly
bir injir agajyna gözi düşende, ondan injir
tapmazmykam diýip, agaja tarap ýöredi.
Onuň ýanyna gelende, ondan ýaprakdan
başga hiç zat tapmady, sebäbi injir möw-
sümi däldi. 14Isa agaja: «Goý, mundan
beýläk senden hiç kim miwe iýmesin!»
diýdi. Şägirtleri hem muny eşitdiler.

### *Isa satyjylary ybadathanadan kowýar*
*(Matta 21:12-17; Luka 19:45-48;*
*Ýohanna 2:13-22)*

15Soňra olar Iýerusalime geldiler. Isa
ybadathananyň howlusyna girip, ol
ýerdäki satyjylary, alyjylary kowmaga
başlady. Pul çalyşýanlaryň tekjeleri-
ni, kepderi satýanlaryň oturgyçlaryny
düňderdi. 16Hiç kime ybadathananyň
howlusyndan goş gatnatmaga rugsat
etmedi. 17Isa olara öwretmek bilen:
«„Meniň öýüm ähli milletler üçin yba-
dat öýi diýlip atlandyrylar“ diýip ýazylgy
dälmi näme? Emma siz muny garakçyla-
ryň sürenine öwrüpsiňiz» diýdi. 18Muny
eşiden ýolbaşçy ruhanylar bilen Töwrat
mugallymlary Isany öldürmegiň küýü-
ne düşdüler. Olar Isadan gorkýardylar,
sebäbi tutuş halk Isanyň taglymatyna
haýran galýardy. 19Agşam düşende, Isa
bilen şägirtleri şäherden çykyp gitdiler.

### *Injir agajyndan alynmaly sapak*
*(Matta 21:20-22)*

20Ir säher bilen geçip barýarkalar, olar
şol injir agajynyň köki bilen gurandy-
gyny gördüler. 21Petrus bolup geçen
wakany ýatlap: «Mugallym, seret! Seniň
gargan injir agajyň gurapdyr» diýdi. 22Isa
olara şeýle jogap berdi: «Hudaýa iman
ediň. 23Size dogrusyny aýdýaryn, kim
ýüreginde şübhä ýol bermän, diýýäni-
niň boljakdygyna iman edip, şu daga:
„Göteril-de, deňze zyňyl“ diýse-de, onuň
diýeni bolar. 24Şonuň üçin size diýýä-
rin: doga-dileg edip, Hudaýdan soran
her bir zadyňyzy eýýäm alandygyňyza
ynanyň, ol size berler. 25Hudaýa doga
okamaga duran mahalyňyz birinden
öýke-kinäňiz bar bolsa, ony bagyşlaň,

**11:9** Zeb 117:25-26. **11:17** Işa 56:7.

şonda gökdäki Ataňyz hem siziň ýazyk-
laryňyzy bagyşlar». [a]

### *Isanyň erk-ygtyýary barada sowal*
*(Matta 21:23-27; Luka 20:1-8)*

27 Olar ýene Iýerusalime geldiler. Isa
ybadathananyň howlusynda gezmeläp
ýörkä, ýolbaşçy ruhanylar, Töwrat mugal-
lymlary we ýaşulular Onuň ýanyna gelip:
28 «Sen bu zatlary haýsy ygtyýar bilen ed-
ýärsiň? Bu işleri etmäge Saňa kim ygtyýar
berdi?» diýip soradylar. 29 Isa-da olara:
«Men hem size bir sowal berjek. Maňa jo-
gap berseňiz, size bu zatlary haýsy ygtyýar
bilen edýänimi aýdaýyn. 30 Hany, Maňa
aýdyň, Ýahýa çümdüriş ygtyýaryny ni-
reden aldy? Gökdenmi ýa-da ynsandan?»
diýdi. 31 Olar muny özara maslahatlaşmaga
başladylar: «Eger Gökden diýsek, Ol bize:
„Onda näme üçin oňa ynanmadyňyz?“ di-
ýer. 32 Emma ynsandan diýsek…»

Olar halkdan gorkýardylar, çünki
hemmeler Ýahýany hakyky pygamber
saýýardy. 33 Ahyry olar Isa: «Biz bilem-
zok» diýip jogap berdiler. Isa-da olara:
«Menem size bu zatlary haýsy ygtyýar
bilen edýänimi aýtjak däl» diýdi.

## 12-nji bap

### *Üzümçilik we kärendeçiler tymsaly*
*(Matta 21:33-46; Luka 20:9-19)*

1 Soňra Isa olara tymsallar bilen gürrüň
bermäge başlady: «Bir adam üzüm bagla-
ryny oturdyp, daşyna haýat aýlaýar. Şerap
ýasamak üçin, üzümi sykmaga bir çukur
gazýar we bir sany gözegçilik diňini
guryar. Onsoň üzümçiligini bagbanlara
kärendesine berýär-de, özi uzak ýola
gidýär. 2 Hasyl möwsümi gelende, ol bir
hyzmatkärini üzümiň miwesinden alyp
gel diýip, kärendeçileriň ýanyna iberýär.
3 Emma olar ony tutup ýenjýärler we boş
kowup goýberýärler. 4 Üzümçiligiň eýesi
ýene başga bir hyzmatkärini iberýär. Olar
onuň kellesini ýaryp, ony masgara edip
iberýärler. 5 Onsoň ýene bir hyzmatkärini
iberýär, olar muny öldürýärler. Ol şeýdip,
ençeme hyzmatkärini iberýär. Bularyň-
da käbirini ýenjip, käbirini öldürýärler.
6 Üzümçiligiň eýesiniň ol ýere ibermäge
ýene bir adamy galýar, ol-da özüniň ýeke-
täk söwer ogludy. Oglumy sylarlar öýdüp,
ol iň soňunda kärendeçileriň ýanyna öz
ogluny iberýär. 7 Emma kärendeçiler bi-
ri-birlerine: „Mirasdar şudur! Geliň, şuny
öldüreliň, miras bize galar“ diýişýärler.
8 Ony tutup öldürýärler-de, üzümçilikden
daşary taşlaýarlar. 9 Indi üzümçiligiň eýe-
si näme eder? Ol gelip, bu kärendeçileri
öldürer-de, üzümçiligi başgalara berer.
10 Siz Mukaddes Ýazgydaky:

„Ussalaryň ret eden daşy,
binanyň burç daşy boldy.
11 Muny Reb etdi,
bu nazarymyzda täsin saýyldy“

diýen sözleri okamadyňyzmy näme?»
12 Bu tymsaly özlerine kakdyryp aý-
danyny aňan ýahudylaryň baştutanlary
Isany tutjak boldular. Ýöne halkdan gor-
kup, Ony galdyryp, öz ýollaryna gitdiler.

### *Imperatoryňky – imperatora*
*(Matta 22:15-22; Luka 20:20-26)*

13 Isany gepde tutjak bolup, fariseýleriň
we Hirodyň tarapdarlarynyň birnä-

---

[a] **11:25** Käbir golýazmalarda 26-njy aýat duş gelýär: *Eger bagyşlamasaňyz, gökdäki Ataňyz hem siziň günäleriňizi bagyşlamaz.*

**12:10** Zeb 117:22.

çesini Onuň ýanyna iberdiler. 14 Olar
gelip, Ondan: «Mugallym! Biz Seniň
dogruçyldygyňy, hiç kime tarapgöý-
lik etmeýändigiňi bilýäris, sebäbi Sen
adamlaryň derejesine bakman, Hudaýyň
ýoluny hakykat bilen öwredýärsiň. Hany
aýt, imperatora salgyt tölemek dogru-
my ýa-da dogry däl? Tölälimi ýa-da
tölemäli?» diýip soradylar. 15 Isa olaryň
ikiýüzlüdigini bilip: «Meni näme üçin
synaýarsyňyz? Maňa kümüş teňňäni
beriň, göreýin» diýdi. 16 Olar bir teňňe
getirdiler. Isa olardan: «Bu teňňedäki
şekil bilen ýazgy kimiňki?» diýip sora-
dy. Olar: «Imperatoryňky» diýip jogap
berdiler. 17 Isa olara: «Imperatoryňky-
ny – imperatora, Hudaýyňkyny Hudaýa
beriň» diýdi. Olar Oňa haýran galdylar.

### *Direliş barada sowal*

*(Matta 22:23-33; Luka 20:27-40)*

18 Ölümden soň direlişiň ýokdugyny
aýdýan saddukeýler Isanyň ýanyna gelip,
Oňa şeýle sorag berdiler: 19 «Mugallym!
Musa bize bir adamyň dogany perzentsiz
ölüp, yzynda aýaly galsa, dogany onuň
aýalyny alyp, ölen doganynyň neslini
dowam etdirmelidir diýip ýazypdyr.
20 Ýedi dogan bardy. Birinjisi bir aýala
öýlendi, ýöne yzynda nesil galdyrman
öldi. 21 Ikinjisi hem şol aýala öýlendi, ol
hem yzynda nesil galdyrman öldi. Ola-
ryň üçünjisi hem şeýle boldy. 22 Ýedisi-de
nesil galdyrmady. Olardan soň aýal hem
öldi. 23 Indi direliş güni bu aýal olaryň
haýsysynyň aýaly bolar? Olaryň ýedisi
hem oňa öýlenipdi ahyryn». 24 Isa olara
şeýle jogap berdi: «Siz ne Mukaddes
Ýazgylary, ne-de Hudaýyň gudratyny
bilýärsiňiz. Ýalňyşyňyzyň sebäbi hem
şunda dälmi? 25 Ynsanlar ölümden di-
relende ne öýlenerler, ne-de durmuşa
çykarlar, olar göklerdäki perişdeler ýaly
bolarlar. 26 Ölüleriň direlişi babatda bol-
sa, Musanyň kitabyndaky ýanyp duran
çaly hakynda okamadyňyzmy? Hudaý
Musa: „Men Ybraýymyň, Yshagyň we
Ýakubyň Hudaýydyryn“ diýdi. 27 Ol ölü-
leriň däl-de, dirileriň Hudaýydyr; siz
gaty ýalňyşýarsyňyz».

### *Iň wajyp tabşyryk*

*(Matta 22:34-40; Luka 10:25-28)*

28 Golaýa gelip, olaryň çekişmeleri-
ni eşiden Töwrat mugallymlardan biri
Isanyň olara jaýdar jogap berenini gö-
rüp, Ondan: «Haýsy tabşyryk iň wajyp
tabşyryk?» diýip sorady. 29 Isa: «Iň wa-
jyp tabşyryk şudur: eý, ysraýyl halky,
gulak goý. Hudaýymyz Reb ýeke-täk
Rebdir. 30 Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüre-
giňiz, ähli düşünjäňiz hem güýjüňiz bilen
jan-tenden söýüň. 31 Ikinjisi-de şudur:
ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý! Bu-
lardan uly tabşyryk bolmaz» diýip jogap
berdi. 32 Ol adam Oňa: «Seniňki dogry, eý,
Mugallym! Sen hakykaty sözlediň. Hu-
daý ýeke-täkdir, Ondan başgasy ýokdur.
33 Ony tutuş ýüregiň hem akylyň bilen we
ähli güýjüň bilen söýmeklik, ýakynyňy
özüňi söýşüň ýaly söýmeklik ýakma
gurbanlyklaryň, beýleki gurbanlykla-
ryň hemmesinden has möhümdir» diýdi.
34 Isa onuň paýhasly jogap berenini gö-
rüp: «Sen Hudaýyň Şalygyndan uzakda
dälsiň» diýdi. Şondan soň Oňa mundan
artyk sorag bermäge hiç kim milt etmedi.

### *Mesih kimiň Ogly?*

*(Matta 22:41-46; Luka 20:41-44)*

35 Isa ybadathanada halka öwredip
otyrka, olara şeýle diýdi: «Töwrat mu-

**12:19** Kan 25:5-6. **12:26** Msr 3:6,15. **12:29-30** Kan 6:4-5. **12:31** Lew 19:18.

gallymlary Mesihe nädip Dawudyň ogly
diýýärler? 36 Dawudyň özi Mukaddes
Ruhdan ylham alyp, şeýle diýipdir:

„Hudaý Rebbime[a] şeýle sözledi:
‘Duşmanlaryňy aýak astyna
salýançam,
Meniň sagymda otur’“.

37 Dawudyň özi Mesihe Reb diýýän bolsa,
Ol nähili Dawudyň ogly bolýar?»

Uly mähelle Ony hezil edip diňle-
ýärdi.

### *Isa ikiýüzli Töwrat mugallymlary ýazgarýar*

*(Matta 23:1-36; Luka 20:45-47)*

38 Isa halka şeýle öwüt berdi: «Töwrat
mugallymlardan ägä boluň! Olar uzyn
don geýip gezmegi, bazarlarda özlerine
salam berilmegini, 39 sinagogalarda baş
kürsüleri, meýlislerde töri halaýandyr-
lar. 40 Olar dul aýallaryň öýlerini talap,
göz üçin uzyn-uzyn dogalar okan bol-
ýandyrlar. Şeýle adamlar iň agyr jeza
sezewar bolarlar».

### *Dul aýalyň sadakasy*

*(Luka 21:1-4)*

41 Isa sadaka gutusynyň garşysynda
oturyp, oňa pul atýan halky synlaýardy.
Ençeme baý adamlar guta köp pul atdylar.
42 Bir garyp dul aýal gelip, guta iki şaý
atdy. 43 Isa şägirtlerini ýanyna çagyryp,
olara: «Size dogrusyny aýdýaryn, bu
garyp dul aýal guta hemmelerden kän
pul atdy. 44 Beýlekiler özlerinden artany-
ny atdylar, ýöne bu hatyn garyplygyna
garamazdan, elindäki ähli çörek puluny
atdy» diýdi.

## 13-nji bap

### *Ynsan Oglunyň gelýäniniň alamatlary*

*(Matta 24:1-31; Luka 21:5-28)*

1 Isa ybadathananyň howlusyndan
çykanda, şägirtleriniň biri Oňa: «Mu-
gallym! Seret, ne ajap daşlar, ne ajap
binalar!» diýdi. 2 Isa oňa: «Bu beýik
binalary görýäňmi? Bu ýerde daş üs-
tünde daş galmaz, hemmesi weýran
bolar» diýdi.
3 Soňra Isa ybadathananyň garşysyn-
daky Zeýtun dagynda otyrka, Petrus,
Ýakup, Ýohanna we Andrys dagy ýeke-
likde Ondan: 4 «Bize aýtsana, bu zatlar
haçan bolar? Bu zatlaryň amala aş-
ýandygyny görkezýän nähili alamat
bolar?» diýip soradylar. 5 Onsoň Isa olara
şeýle düşündirmäge başlady: «Ägä bo-
luň, hiç kim sizi aldaýmasyn! 6 Köpler
Meniň adym bilen gelip: „Men – Şoldu-
ryn“ diýip, ençeme adamlary aldarlar.
7 Siz uruş turandygy we uruş baradaky
myş-myşlary eşideniňizde gorkmaň.
Bular bolmalydyr, ýöne entek soňy
däldir. 8 Çünki millet millete, patyşa-
lyk patyşalyga garşy çykar. Aýry-aýry
ýerlerde ýer titremeler, açlyklar ýüze
çykar. Bular burgularyň başlangyjy-
dyr. 9 Emma siz özüňizden habardar
boluň! Adamlar sizi ýerli kazyýete tab-
şyrarlar, sinagogalarda ýenjerler. Men
sebäpli siz hökümdarlaryň, patyşalaryň
öňünde durarsyňyz we olara şaýatlyk
edersiňiz. 10 Hoş Habar ilki bilen ähli
milletlere wagyz edilmelidir. 11 Sizi

[a] **12:36** ***Reb*** – Zeburda bu söz *reb* bolup, patyşa ýüzlenilende ulanyldy, bu ýerde bolsa *Reb* Mesihe degişli.

**12:36** Zeb 109:1.

tussag edip, kazyýete tabşyranlaryn-
da, näme diýjegiňizi öňünden gaýgy
etmäň, şol pursatda size näme beril-
se, şony gepläň. Çünki gepleýän siz
däl-de, Mukaddes Ruhdur. 12 Dogan
doganyny, ata çagasyny ölüme tabşy-
rar. Çagalar hem ene-atalaryna garşy
çykyp, olary öldürderler. 13 Men sebäpli
hemmeler sizi ýigrener, emma soňuna
çenli çydan halas bolar. 14 Weýrançylyk
getirýän ýigrenji zadyň durmaly däl
ýerde duranyny göreniňizde, goý, Ýa-
hudyýadakylar daglara gaçsyn. Hawa,
Danyýel pygamberiň aýdanlaryna dog-
ry düşünsin. 15 Üçekdäki adam bir zat
almak üçin aşak düşüp, öýe girmesin.
16 Ekin meýdanyndakylar donuny almak
üçin yzyna gelmesin. 17 Ol günlerde göw-
reli aýallaryň we çaga emdirýänleriň dat
gününe! 18 Siz bu waka gyşda bolmasyn
diýip dileg ediň. 19 Çünki ol günlerde
şeýle bir elhenç muşakgatlar bolar welin,
Hudaýyň ýaradan dünýäsiniň başyndan
tä şu wagta çenli munuň ýaly zat bolan
däldir, hiç haçan bolmazam. 20 Reb ol
günleri gysgaltmadyk bolsa, onda hiç
kim halas bolmazdy. Emma Reb Öz
saýlanlarynyň hatyrasyna ol günleri
gysgaltdy. 21 Şonda kimdir biri size:
„Ine, Mesih bu ýerde“ ýa-da „Anha, ol
ýerde“ diýse, ynanmaň. 22 Çünki galp
mesihler we galp pygamberler döräp,
mümkin boldugyça saýlananlary-da az-
dyrjak bolup, alamatlardyr mugjyzalar
görkezerler. 23 Ägä boluň! Men hemme
zady size öňünden aýtdym.

24 Emma şol günlerde muşakgatlyk-
lardan soňra, Gün garalar, Aý nuruny
saçmaz. 25 Ýyldyzlar gökden gaçar,
asman jisimleri lerzana geler. 26 Şon-
da Ynsan Oglunyň beýik gudrata we
şöhrata beslenip, bulutlarda gelýänini
görerler. 27 Şonda Ol perişdeleri ýol-
lap, Öz saýlanlaryny çar tarapdan,
ýeriň ujundan tä gögüň ujuna çenli
ýygnar.

### *Injir agajyndan alynmaly sapak*
*(Matta 24:32-35; Luka 21:29-33)*

28 Injir agajyndan sapak alyň: onuň şa-
halary ýumşap, ýaprak çykaran mahaly
tomsuň golaýlandygyny bilýärsiňiz.
29 Şonuň ýaly-da, bu zatlaryň bolýany-
ny göreniňizde, Ynsan Oglunyň golaý
gelendigini, gapynyň agzyndadygyny
biliň. 30 Size dogrusyny aýdýaryn, bu
zatlaryň ählisi bolýança, bu nesil dün-
ýäden ötmez. 31 Asman bilen ýer öter,
emma Meniň sözlerim asla ötmez.

### *Bilinmeýän gün we sagat*
*(Matta 24:36-44)*

32 Emma ol güni hem sagady hiç
kim bilýän däldir, ne gökdäki pe-
rişdeler, ne-de Ogul bilýändir, diňe
Ata bilýändir. 33 Hüşgär boluň, oýa
boluň [a]! Siz ol wagtyň haçan geljek-
digini bilýän dälsiňiz. 34 Bu bir uzak
ýola çykan adam ýalydyr. Ol öýün-
den çykyp barýarka, hyzmatkärlerine
ygtyýar berer, her haýsyna bir iş tab-
şyrar. Gapydaky garawula bolsa oýa
bolmagy buýrar. 35 Şonuň üçin oýa
boluň, sebäbi siz öý eýesiniň agşam-
my, ýary gijemi, horaz gygyrandamy,
gün dogandamy – haçan geljegini
bilmeýärsiňiz. 36 Ol duýdansyz gelip,
ukuda üstüňizi basaýmasyn. 37 Size

[a] **13:33** Käbir golýazmalarda *doga-dileg ediň* diýen sözler hem bar.

**13:14** Dan 9:27; 11:31; 12:11.

aýdýanlarymy hemmelere-de aýdýa-
ryn: oýa boluň!»

### 14-nji bap

***Isany öldürmek barada dildüwşük***
*(Matta 26:1-5; Luka 22:1,2;*
*Ýohanna 11:45-53)*

1 Pesah we Petir baýramyna iki gün
galypdy. Ýolbaşçy ruhanylar, Töwrat
mugallymlary Isany hile bilen tutup,
öldürmegiň ýoluny agtarýardylar. 2 Ýöne
welin biri-birlerine: «Baýram günlerin-
de däl, halk galmagal turzaýmasyn»
diýişýärdiler.

***Bir aýal Isanyň başyna ýag guýýar***
*(Matta 26:6-13; Ýohanna 12:1-8)*

3 Isa Beýtaniýada deri keselli Simu-
nyň öýünde saçak başynda otyrka, bir
aýal agzy ýapyk çüýşede gymmatbaha
sap-arassa nard ýagyny alyp geldi. Aýal
çüýşäniň dykysyny açyp, ýagy Onuň
başyna guýdy. 4 Käbirleri gaharlanyp,
biri-birlerine: «Näme üçin bu ýag isrip
edildi? 5 Muny bir ýyllyk iş hakyna [a]
barabar pula satyp, garyplara paýlap
bolardy ahyry» diýşip, aýala igendiler.
6 Emma Isa olara: «Naçary öz gününe
goýuň! Näme üçin ony ynjadýarsyňyz?
Ol Meniň üçin ajaýyp iş etdi. 7 Garyplar
hemişe siziň ýanyňyzdadyr, olara islän
mahalyňyz ýagşylyk edip bilersiňiz, em-
ma Men hemişe ýanyňyzda bolmaryn.
8 Bu aýal elinde baryny etdi, ol bedenime
atyr ysly ýag guýup, Meni jaýlamaga
öňünden taýýarlady. 9 Size dogrusyny
aýdýaryn, Hoş Habar dünýäniň nire-
sinde wagyz edilse, bu aýalyň edeni-de
şol ýerde ýatlanar» diýdi.

***Ýudasyň haýynlygy***
*(Matta 26:14-16; Luka 22:3-6)*

10 Soňra Onkilerden Ýudas Iskariýot
diýen biri Isa dönüklik etmek üçin, ýol-
başçy ruhanylaryň ýanyna gitdi. 11 Olar
muny eşidip begendiler, oňa pul bermäge
söz berdiler. Ol Isany olara tabşyrmak
üçin, amatly pursat peýläp gezdi.

***Isa şägirtleri bilen Pesah baýramyny belleýär***
*(Matta 26:17-30; Luka 22:7-23;*
*Ýohanna 13:21-30;*
*1 Korintoslylar 11:23-25)*

12 Pesah janlysynyň soýulýan güni,
ýagny Petir baýramynyň ilkinji güni
şägirtleri Isadan: «Seniň üçin Pesah
naharyny nirede taýýarlamagymyzy
isleýärsiň?» diýip soradylar. 13 Isa şä-
girtleriniň ikisini ýollap, olara: «Şähere
baryň, küýze bilen suw alyp barýan bir
adama sataşarsyňyz, şonuň yzyna düşüp
gidiň. 14 Ol nirä baryp girse, şol öýüň
eýesine: „Mugallym senden şägirtlerim
bilen Pesah naharyny iýer ýaly, Meniň
myhman otagym nirede diýip soraýar“
diýiň. 15 Ol hem ýokarky gatda düşelgi,
taýýar giň bir otagy görkezer. Şol ýerde
taýýarlyk görüň» diýdi. 16 Şägirtler ýola
düşüp, şähere gitdiler we ähli zady Isa-
nyň aýdyşy ýaly tapyp, Pesah naharyny
taýýarladylar. 17 Agşam Isa Onkiler bilen
bile geldi. 18 Saçak başynda nahar iýip
otyrkalar, Ol: «Size dogrusyny aýdýaryn,
sizden biri, Meniň bilen nahar iýip otu-
ran biriňiz Maňa haýynlyk eder» diýdi.
19 Olar hem tukatlanyp, yzly-yzyna On-
dan: «Men bir dälmi?» diýip soramaga
başladylar. 20 Isa olara: «Ol Onkilerden

---

[a] **14:5** ***Bir ýyllyk iş hakyna barabar pul*** – grekçe üç ýüz dinar. Bir dinar bir günlük iş hakyna deňdir.

biri, Meniň bilen bile okara çörek baty-
ryp oturanyň biri. 21 Hawa, Ynsan Ogly
Özi hakda ýazylyşy ýaly jan berer, emma
Ynsan Ogluna haýynlyk edeniň halyna
waý! Ol adam eneden dogulmadyk bolsa,
onuň üçin has oňat bolardy» diýdi. 22 Na-
harlanyp otyrkalar, Isa eline çörek alyp
şükür etdi we ony döwüp, şägirtlerine
berdi-de: «Alyň, bu Meniň bedenim-
dir» diýdi. 23 Onsoň şeraply käsäni alyp,
şükür edeninden soň, olara berdi, hem-
mesi ondan içdi. 24 Soňra Isa olara: «Bu
Meniň köp adamlar üçin dökülýän äht [a]
ganymdyr. 25 Size dogrusyny aýdýaryn:
Hudaýyň Şalygynda täzesini içjek günü-
me çenli şeraby gaýtadan içmerin» diýdi.
26 Olar Hudaýa öwgi senalaryny aýdan-
laryndan soň, Zeýtun dagyna çykdylar.

### *Isa Petrusyň inkär etjekdigini aýdýar*

27 Isa şägirtlerine: «Siziň hemmäňiz
Menden el çekersiňiz, sebäbi „Çopany
uraryn, goýunlar dargap gider“ diýip ýa-
zylgydyr. 28 Emma Men direlenimden soň,
sizden öň Jelilä bararyn» diýdi. 29 Petrus
Oňa: «Hemmeler Senden ýüz öwürse-
de, men beýle etmerin» diýdi. 30 Isa oňa:
«Saňa dogrusyny aýdýaryn: edil şu gije
horaz iki gezek gygyrýança, sen Meni
üç gezek inkär edersiň» diýdi. 31 Emma
Petrus janygyp: «Men Seniň bilen ölmeli
bolsam-da, Seni asla inkär etmerin» diý-
di. Şägirtleriň hemmesi-de şeýle diýdiler.

### *Getsemani bagynda*

*(Matta 26:36-46; Luka 22:39-46)*

32 Olar Getsemani diýen bir ýere gel-
diler. Isa şägirtlerine: «Men Hudaýa
dileg edip gelýänçäm, siz şu ýerde otu-
ryň» diýdi. 33 Isa Petrusy, Ýakuby we
Ýohannany ýanyna aldy. Isa ajy hasrat
çekip, gaýgylanmaga başlady. 34 Olara:
«Meniň janym öler ýaly tukat. Siz bu
ýerde galyň we oýa boluň» diýdi. 35 Isa
biraz öňe ýöränden soň, ýere ýüzin dü-
şüp, şu aýylganç pursadyň mümkin
bolsa, Özünden sowa geçmegini dileg
etdi. 36 Ol: «Abba [b], Atam, Sen hemme
zady başarýarsyň. Bu hasrat käsesini
Menden sowa geçir, ýöne Meniň isle-
gim däl, Seniň islegiň amala aşsyn»
diýdi. 37 Isa gaýdyp gelende, şägirtleri
uklap ýatan ekenler. Isa Petrusa: «Uklap
ýatyrsyňmy? Bir sagat-da oýa bolup bil-
mediňmi? 38 Oýa boluň, synaga düşmez
ýaly dileg ediň. Ruh gaýratlydyr, ýöne
beden ejizdir» diýdi. 39 Isa ýene gidip, şol
öňki sözleri aýdyp dileg etdi. 40 Yzyna
gaýdyp gelende, şägirtleri ýene uklap
ýatan ekenler, sebäbi olaryň gözleri
bürlüp durdy. Olar Oňa näme diýjekle-
rini bilmediler. 41 Isa üçünji gezek gelip,
olara: «Siz henizem uklap ýatyrsyňyz-
my? Dynjyňyzy alýarsyňyzmy? Boldy,
pursat geldi, Ynsan Ogly günäkärleriň
eline berilýär. 42 Turuň, gideliň. Anha,
Maňa haýynlyk eden golaýlady» diýdi.

### *Isa tutulýar*

*(Matta 26:47-56; Luka 22:47-53;
Ýohanna 18:3-12)*

43 Isa heniz gepläp durka, Onkileriň
biri bolan Ýudas peýda boldy. Onuň
ýanynda ýolbaşçy ruhanylar, Töwrat
mugallymlary we ýaşulular tarapyndan
iberilen gylyçly, taýakly bir mähelle

---

[a] **14:24** ***Äht*** – käbir golýazmalarda *täze Äht.*

[b] **14:36** ***Abba*** – arameýçe bu söz *Atam* diýmegi aňladýar.

---

**14:27** Zak 13:7.

bardy. 44 Isa haýynlyk eden Ýudas olar
bilen: «Men kimi öpsem, Isa Şoldur.
Ony tutuň-da, gorag astynda alyp gi-
diň» diýip gepleşipdi. 45 Ol gele-gelmäne
Isanyň ýanyna bardy-da: «Mugallym!»
diýip, Ony öpdi. 46 Onsoň adamlar Isany
tutup, ele saldylar. 47 Isanyň ýanynda
duranlaryň biri gylyjyny syryp, baş
ruhanynyň hyzmatkärini urup, onuň
gulagyny kesdi. 48 Isa olara: «Näme üçin
bir gozgalaňçynyň garşysyna çykan ýaly,
Meni tutmak üçin gylyçly hem taýakly
gelipsiňiz? 49 Her gün ybadathanada
araňyzda bolup, adamlara öwredýärdim,
şonda Meni tutmandyňyz. Ýöne, goý,
Mukaddes Ýazgylar berjaý bolsun» diýdi.
50 Şonda şägirtleriň hemmesi Isany taş-
lap gaçyp gitdiler. 51-52 Ýalaňaç bedenini
ýapynja bilen örten bir ýaş ýigit Isanyň
yzyna düşüp barýardy. Esgerler ony hem
tutdular, emma ol ýapynjasyny taşlap,
ýalaňaç halda olardan gaçyp gitdi.

### *Isa mejlisiň öňünde*

*(Matta 26:57-68; Luka 22:54,55,63-71; Ýohanna 18:13,14,19-24)*

53 Isany baş ruhanynyň ýanyna getir-
diler. Ähli ýolbaşçy ruhanylar, ýaşulular
we Töwrat mugallymlary ol ýere ýyg-
nanypdylar. 54 Petrus baş ruhanynyň
howlusyna çenli gara görnümden Isanyň
yzyna düşüp gitdi. Ol hem sakçylar bi-
len bile howluda oda çoýunyp otyrdy.
55 Ýolbaşçy ruhanylar we ýokary mejlis
Isa ölüm jezasyny bermek üçin, Oňa
garşy subutnama agtardylar, ýöne tapyp
bilmediler. 56 Köpler Oňa garşy ýalan
şaýatlyk berseler-de, olaryň şaýatlygy
bir çykmady. 57 Onsoň käbirleri turup,
Oňa garşy ýalan şaýatlyk berip: 58 «Biz
Onuň: „Men ynsan eli bilen salnan şu
ybadathanany ýykyp, üç günüň içinde el
bilen salynmadyk başga bir ybadathana
salaryn“ diýenini eşitdik» diýdiler. 59 Ba-
rybir, olaryň şaýatlyklary bir çykmady.
60 Soňra baş ruhany mejlisiň ortasynda
ýerinden turup, Isadan: «Sende hiç hi-
li jogap ýokmy? Bu adamlaryň Saňa
garşy berýän şaýatlygyna näme diýer-
siň?» diýip sorady. 61 Isa dymdy, hiç bir
jogap bermedi. Baş ruhany ýene Ondan:
«Şöhratly Hudaýyň Ogly – Mesih Sen-
mi?» diýip sorady. 62 Isa: «Mendirin!
Siz Ynsan Oglunyň Gudratygüýçliniň
sagynda oturanyny we gögüň bulutla-
rynda gelýänini görersiňiz» diýdi. 63 Baş
ruhany şonda ýakasyny ýyrtyp: «Bize
başga şaýatlyk nämä gerek? 64 Onuň
Hudaýa dil ýetirenini özüňiz eşitdi-
ňiz ahyryn. Näme karara gelýärsiňiz?»
diýip sorady. Olaryň bary Isany ölüm
jezasyna laýyk diýip höküm çykardylar.
65 Käbirleri Onuň üstüne tüýkürip başla-
dylar, gözlerini daňyp, Ony ýumruklap:
«Welilik et!» diýişýärdiler. Sakçylar-da
Ony aralaryna alyp urdular.

### *Petrus Isany inkär edýär*

*(Matta 26:69-75; Luka 22:56-62; Ýohanna 18:15-18,25-27)*

66 Petrus howlynyň aşak tarapynda
durka, baş ruhanynyň kenizlerinden
biri geldi. 67 Ol çoýunyp oturan Petrusy
görende, oňa çiňerildi-de: «Sen hem şol
nasyraly Isa bilendiň» diýdi. 68 Emma
Petrus muny inkär edip: «Men seniň
näme hakda gepleýäniňi bilemogam,
düşünemogam» diýdi-de, howlynyň da-
şyna çykdy. Şol wagt hem horaz gygyrdy.
69 Keniz Petrusy görende, ýanyndakylara:
«Bu adam şolaryň biri» diýip, ýene-de
aýtdy. 70 Emma Petrus muny ýene-de
inkär etdi. Az salymdan ol ýerde duran-
lar Petrusa ýene-de: «Hakykatdan-da,
senem şolaryň biri, sebäbi sen jelileli»
diýdiler. 71 Emma ol ant içip: «Hudaý

ursun! Siziň aýdýan bu adamyňyzy men
tanamaýaryn» diýdi. 72 Edil şol wagt ho-
raz ikinji gezek gygyrdy. Petrus Isanyň
özüne: «Horaz iki gezek gygyrýança,
sen Meni üç gezek inkär edersiň» di-
ýen sözlerini ýatlap, möňňürip aglady.

### 15-nji bap

***Isa Pilatyň öňünde***
*(Matta 27:1,2,11-14; Luka 23:1-5;*
*Ýohanna 18:28-38)*

1 Ir säher bilen ýolbaşçy ruhanylar,
ýaşulular, Töwrat mugallymlary we
tutuş mejlis maslahat geçirip, Isany da-
ňyp, Pilata tabşyrdylar. 2 Pilat Isadan:
«Sen ýahudylaryň patyşasymy?» diýip
sorady. Isa: «Aýdyşyň ýalydyr» diýip
jogap berdi. 3 Ýolbaşçy ruhanylar Ony
köp zatlarda aýypladylar. 4 Pilat ýene-de
Oňa: «Sen hiç hili jogap berjek dälmi?
Gör, näçe zatlarda Seni aýyplaýarlar!»
diýdi. 5 Emma Isa başga hiç hili jogap
bermedi. Pilat geň galdy.

***Isa ölüme höküm edilýär***
*(Matta 27:15-26; Luka 23:13-25;*
*Ýohanna 18:39–19:16)*

6 Pilat her Pesah baýramynda halkyň
haýyşy boýunça bir tussagy boşadýardy.
7 Pitnede adam öldüren gozgalaňçylar bilen
bile tussag edilen Barabbas atly biri bardy.
8 Halk Pilatyň ýanyna gelip, hemişekisi
ýaly, özleri üçin bir tussagy boşatmagy-
ny soramaga başlady. 9 Onsoň Pilat olara
jogap berip: «Siziň üçin ýahudylaryň pa-
tyşasyny boşatmagymy isleýärsiňizmi?»
diýip sorady. 10 Ol ýolbaşçy ruhanylaryň
Isany göriplikden tabşyrandyklaryny bil-
ýärdi. 11 Emma ýolbaşçy ruhanylar Isanyň
deregine Barabbasy boşatmagyny talap
ediň diýip, halky küşgürdiler. 12 Pilat ýene
olardan: «Onda men siziň ýahudylaryň
patyşasy diýýän adamyňyzy näme ede-
ýin?» diýip sorady. 13 Olar bolsa: «Ony
haça çüýle!» diýip gygyryşdylar. 14 Pilat
olardan: «Näme üçin? Ol näme ýamanlyk
etdi?» diýip sorady. Emma olar: «Ony ha-
ça çüýle!» diýip, has beter gygyryşdylar.
15 Şonda Pilat halky kanagatlandyrmak
kararyna gelip, Barabbasy boşatdy. Isany
bolsa gamçyladyp, haça çüýlemek üçin,
esgerleriň eline berdi.

***Esgerler Isany masgaralaýarlar***
*(Matta 27:27-31; Ýohanna 19:2,3)*

16 Esgerler Isany hökümet saraýyna
eltip, tutuş goşun toparlaryny Onuň
daşyna üýşürdiler. 17 Onuň egnine gyr-
myzy don, başyna tikenden örülen täç
geýdirdiler. 18 «Ýaşasyn ýahudylaryň
patyşasy!» diýip, Ony gyzgyn garşylan
boldular. 19 Başyna taýak bilen urdular,
üstüne tüýkürdiler, öňünde dyza çöküp,
Oňa sežde eden boldular. 20 Ony mas-
garalanlaryndan soň, gyrmyzy dony
egninden çykardylar-da, Öz egin-eşi-
gini geýdirip, haça çüýlemäge äkitdiler.

***Isa haça çüýlenýär***
*(Matta 27:32-44; Luka 23:26-43;*
*Ýohanna 19:17-27)*

21 Şol wagt kirineýli Simun atly bir
adam ekin meýdanyndan gelýärdi. Ol
Isgender bilen Rufusyň kakasydy. Esger-
ler ony tutup, Isanyň haçyny götermäge
mejbur etdiler. 22 Olar Isany Golgota (bu
«Kelleçanak depesi» diýmegi aňladýar)
diýen ýere eltdiler. 23 Onsoň olar Isanyň
agyrylaryny kemeltmek üçin, Oňa mür
garylan şerap hödürlediler, emma Ol iç-
medi. 24 Soňra Ony haça çüýlediler. Kime
näme düşerkä diýip bije atyşyp, Onuň
egin-eşigini özara paýlaşdylar. 25 Ony
haça çüýlänlerinde, ir sagat dokuzdy.
26 Depesindäki etmiş ýazgysynda bolsa:

«ÝAHUDYLARYŇ PATYŞASY» diýip
ýazylgydy. 27 Isa bilen bile iki garakçyny
hem haça çüýlediler. Olaryň biri Isanyň
sag tarapynda, beýlekisi çep tarapynda-
dy. [a] 29 Geçip barýanlar başlaryny ýaýkap,
Isany ýaňsylaýardylar. Olar: «Päheý-de
welin, Sen ybadathanany ýykyp, üç gün-
de saljakdyň-a. 30 Indi haçdan aşak düş-de,
Özüňi halas et!» diýýärdiler. 31 Ýolbaşçy
ruhanylar bilen Töwrat mugallymlary-da
Isany hut şunuň ýaly masgaralap, biri-bir-
lerine: «Özgeleri halas etdi, emma Özüni
halas edip bilenok. 32 Ysraýylyň Patyşasy
Mesih, goý, häziriň özünde haçdan aşak
düşsün, biz hem muny görüp iman edeli»
diýýärdiler. Isa bilen haça çüýlenenler-de
Oňa sögýärdiler.

### *Isanyň ölümi*
*(Matta 27:45-56; Luka 23:44-49; Ýohanna 19:28-30)*

33 Günortan on ikiden öýlän sagat üçe
çenli tutuş ýurdy garaňkylyk gaplap aldy.
34 Öýlän sagat üçde Isa gaty ses bilen gy-
gyryp: «Elohi, Elohi! Lema sabaktani?»,
ýagny: «Hudaýym, Hudaýym! Näme
üçin Meni terk etdiň?» diýdi. 35 Ol ýerde
duranlaryň käbirleri muny eşidenlerinde:
«Serediň, Ol Ylýasy çagyrýar» diýdi-
ler. 36 Bir adam ylgap baryp, bir esgini
sirkä batyrdy. Ony bir taýagyň ujuna da-
kyp, Isa içirjek bolup uzatdy-da: «Hany,
göreliň! Ylýas gelip, Ony aşak düşürer-
mikä?» diýdi. 37 Emma Isa gaty gygyryp
jan berdi. 38 Şol wagt ybadathananyň
tutusy ýokardan aşaklygyna ýyrtylyp,
ikä bölündi. 39 Isanyň garşysynda du-
ran ýüzbaşy Onuň şeýle jan berenini
görende: «Bu adam, hakykatdan hem
Hudaýyň Ogly eken» diýdi. 40 Ol ýerde
uzakdan seredişip duran aýallar hem
bardy. Magdalaly Merýem, Ýose bilen
kiçi Ýakubyň ejesi Merýem we Salome
dagy hem olaryň arasyndady. 41 Bular
Isa Jeliledekä yzyna düşüp, Oňa hyzmat
edipdiler. Ol ýerde Isa bilen Iýerusalime
gelen başga-da köp aýallar bardy.

### *Isa jaýlanýar*
*(Matta 27:57-61; Luka 23:50-56; Ýohanna 19:38-42)*

42 Ol gün Taýýarlyk günüdi, ýagny
Sabadyň öň ýanyndaky gündi. Agşam
43 mejlisiň sylanýan agzasy, Hudaýyň
Şalygyna umyt bilen garaşýan arimati-
ýaly Ýusup geldi. Ol ýüregine daş baglap,
Pilatyň ýanyna bardy we ondan Isanyň
jesedini diledi. 44 Pilat Isanyň eýýäm ölen-
digine geň galdy, ýüzbaşyny çagyryp:
«Ölenine köp wagt boldumy?» diýip so-
rady. 45 Muny ýüzbaşydan anyklandan soň,
jesedi Ýusuba berdi. 46 Ýusup hem kepen-
lik mata satyn aldy, jesedi aşak düşürip,
kepene dolady-da, gaýada oýulan bir ma-
zarda jaýlady. Soňra ol mazaryň agzyna
bir daş togalap getirip goýdy. 47 Magdalaly
Merýem bilen Ýosäniň ejesi Merýem
Isanyň nirede jaýlanandygyny gördüler.

## 16-njy bap

### *Isa direlýär*
*(Matta 28:1-8; Luka 24:1-12; Ýohanna 20:1-10)*

1 Sabat güni tamamlanansoň, giç
öýlän magdalaly Merýem, Ýakubyň

---

[a] **15:27** Käbir golýazmalarda 28-nji aýat duş gelýär: *Şeýlelik bilen «Ol ýazyklylar bilen bir saýyldy» diýen Mukaddes Ýazgy berjaý boldy.*

**15:34** Zeb 21:2.

ejesi Merýem we Salome dagy gidip,
Isanyň jesedine çalmak üçin ýakymly
ysly zatlar satyn aldylar. 2Hepdäniň bi-
rinji güni [a] olar gün doganda, mazaryň
başyna geldiler. 3Olar biri-birlerine:
«Mazaryň agzyndan daşy bize kim aý-
ryp bererkä?» diýişýärdiler. 4Başlaryny
galdyryp seredenlerinde, daşyň bir çete
togalanandygyny gördüler. Daş gaty
uludy. 5Mazara girenlerinde bolsa, sag
tarapda ak lybas geýnen bir ýaş ýigidiň
oturandygyny görüp geňirgenişdiler.
6Ol bulara: «Geňirgenmäň! Siz haça
çüýlenen nasyraly Isany gözleýärsiňiz.
Isa direldi! Ol bu ýerde ýok. Ine, Onuň
jesediniň goýlan ýeri. 7Indi bolsa ba-
ryň-da, Onuň şägirtlerine we Petrusa:
„Isa sizden öň Jelilä barýar, Özüniň size
aýdyşy ýaly, Ony şol ýerde görersiňiz“
diýiň» diýdi. 8Aýallar mazardan çykyp
gaçdylar. Olary sandyrama hem aljyraň-
ňylyk gaplap alypdy. Olar gorkularyndan
ýaňa hiç kime hiç zat aýtmadylar.

***Isa şägirtlerine görünýär***
*(Matta 28:9,10; Ýohanna 20:11-18;*
*Luka 24:13-35)*

9Isa hepdäniň birinji güni ir bilen di-
reldi. Ol ilki bilen magdalaly Merýeme
göründi. Isa onuň içinden ýedi arwah-
jyny kowup çykarypdy. 10Merýem gidip,
muny Isa bilen bolan, indi bolsa Oňa ýas
tutup, aglaşyp oturan şägirtlerine habar
berdi. 11Emma olar Isanyň diridigini we
Merýeme görnendigini eşidenlerinde,
muňa ynanmadylar. 12Şondan soň Isa
oba tarap barýan iki şägirdine başga
keşpde göründi. 13Ol ikisi hem yzlaryna
öwrülip, muny beýlekilere habar berdi-
ler, emma olar bulara-da ynanmadylar.
14Soňra Isa saçak başynda oturan Onbir-
leriň özlerine görnüp, imansyzdyklary,
ýürekleriniň tekepbirdigi üçin olara
käýedi. Sebäbi olar Onuň direlendigini
gören adamlara ynanmandylar.

***Isa şägirtlerini bütin dünýä ýollaýar***
*(Matta 28:16-20; Luka 24:36-53;*
*Ýohanna 20:19-23; Resul 1:6-11)*

15Isa şägirtlerine şeýle diýdi: «Bütin
dünýä aýlanyň-da, Hoş Habary hemme
adamlara wagyz ediň. 16Iman edip çüm-
dürilen halas bolar, ýöne iman etmedige
höküm ediler. 17Iman edýänler şu ala-
matlary görkezerler: Meniň adym bilen
arwah-jynlary kowup çykararlar, täze
dillerde geplärler. 18Elleri bilen ýylan
tutsalar-da, zäher içseler-de, olara ze-
per ýetmez. Ellerini hassalaryň başyna
goýarlar, olar hem sagalar». 19Reb Isa
olara bulary gürrüň bereninden soň, gö-
ge alyndy we Hudaýyň sagynda oturdy.
20Onsoň şägirtler gidip, Hoş Habary
hemme ýerde wagyz etdiler. Reb olar
bilen işläp, amala aşýan gudratly ala-
matlar arkaly Öz sözüni tassyklaýardy.

[a] **16:2** ***Hepdäniň birinji güni*** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýekşenbe günüdir.

# Lukanyň hoş habary

## Giriş

Bu kitap Luka atly lukman tarapyndan ýazyldy. Ol Isa iman eden ilkinji adamlaryň biridi. Luka Isanyň durmuşynyň, görkezen gudratlarynyň, wagyzlarynyň şaýady bolan adamlaryň gürrüňlerini yhlas bilen ýygnap, iki kitap: Lukanyň hoş habary we Resullaryň işleri atly kitaplary ýazdy.

Luka Hoş Habar kitabyny Isa Mesihiň Halasgärdigi baradaky habary hemmelere mälim etmek maksady bilen ýazýar. Bu Halasgär gadymyýetdäki pygamberler arkaly Hudaý tarapyndan wada berlipdi. Luka bu Hoş Habaryň diňe bir urug ýa-da halk üçin däl-de, tutuş adamzat üçindigini gaýta-gaýta nygtaýar. Ol garyplar we aýallar ýaly köp kemsidilmelere we zuluma duçar bolýanlar barada Isa Mesihiň hossarlyk bilen alada edendigini beýan edýär. Luka Isa Mesihiň Özi barada aýdanlaryny mysal getirip, şuny ýazýar: *«Rebbiň ruhy üstümdedir. Garyplara Hoş Habary bildirmegim üçin, Ol Meni seçip-saýlady... zulum astyndakylary azatlyga çykarmaga, Rebbiň merhemet ýylyny jar etmäge Meni iberdi».* (Luk 4:18.)

Luka Hudaýyň söýgüsi, Mukaddes Ruh, doga-dilegiň güýji barada köp ýazýar. Ol öz kitabynda Isanyň köp tymsallaryny aýdyp berýär. Bu tymsallar adaty durmuşa esaslanyp, Hudaýyň Şalygy barada, bu Şalygyň raýaty bolmak üçin näme etmelidigini okyja sada dilde düşündirýär.

***Mazmuny***


Giriş ... *1:1-4*
Ýahýa pygamberiň we Isa Mesihiň dogulmagy, olaryň çagalygy .. *1:5–2:52*
Isa Mesihiň synalmagy we çümdürilmegi ... *3:1–4:13*
Isa Mesihiň Jelilede görkezen gudratlary we wagyzlary ... *4:14–9:50*
Isa Iýerusalime ugraýar ... *9:51–19:27*
Iýerusalime dabaraly giriş we soň bolan wakalar ... *19:28–23:56*
Rebbiň direlişi, şägirtlerine görünmegi we göge alynmagy ... *24:1-53*

## 1-nji bap

### *Sözbaşy*

1 Hormatly Teofil! Ençeme adamlar
aramyzda bolup geçen wakalaryň tary-
hyny ýazmaga girişdiler. 2 Şol wakalary
bize ilkibaşdan gözleri bilen gören şa-
ýatlar we Hudaýyň Hoş Habarynyň
hyzmatçylary ýetirdi. 3 Şonuň üçin, eý,
gadyrly Teofil, meniň özüm hem bolup
geçen wakalaryň anygyna ýetip, saňa
hemmesini jikme-jik ýazmagy ýüregi-
me düwdüm. 4 Indi sen özüňe öwredilen
zatlaryň hakykatdygyna göz ýetirersiň.

### *Çümdüriji Ýahýanyň doguljagy öňünden aýdylýar*

5 Ýahudyýa patyşasy Hirodyň döw-
ründe Zekarýa atly bir ruhany bardy. Ol
Abyýanyň ruhanylar toparyndandy, onuň
aýaly Elizabet hem Harunyň neslindendi.
6 Bu är-aýalyň ikisi-de Hudaýyň öňünde
dogruçyl adamlar bolup, olar Rebbiň
ähli buýruklarydyr parzlaryny birkem-
siz berjaý ederdiler. 7 Emma Elizabetiň
önelgesizdigine görä, olaryň perzendi
ýokdy. Olaryň ikisi-de eýýäm garrylyk
ýaşyna ýetipdi.

8 Bir gün Zekarýa öz toparynyň nobat-
çylyk gezeginde, Hudaýyň huzurynda
ruhanylyk hyzmatyny berjaý edýärdi.
9 Şonda ruhanylyk adaty boýunça, ýa-
kymly ysly tütetgi tütetmek üçin, Rebbiň
ybadathanasyna girmek onuň bijesine düş-
di. 10 Tütetgi tütetmeli pursady geldi, ähli
jemagat daşarda Hudaýa doga okap durdy.

11 Şol wagt tütetgi sypasynyň sagynda
duran Rebbiň bir perişdesi Zekarýa gö-
ründi. 12 Zekarýa ony görüp, özüni ýitirdi,
ony gorky gaplady. 13 Emma perişde oňa
şeýle diýdi: «Eý, Zekarýa, gorkma, sebäbi
seniň Hudaýdan eden dilegiň kabul boldy.
Aýalyň Elizabet saňa bir ogul dogrup be-
rer, sen onuň adyna Ýahýa dakarsyň. 14 Bu
saňa uly şatlyk getirer, onuň doglanyna
köp adamlar şatlanar. 15 Çünki ol Reb-
biň nazarynda beýik bolar. Ol hiç haçan
agzyna şerap we içgi almaz. Ol heniz ene-
siniň göwresindekä, Mukaddes Ruhdan
dolar. 16 Ol ysraýyl halkyndan köp adamy
özleriniň Hudaýy Rebbe tarap öwrer. 17 Ol
atalary ogullary bilen ýaraşdyrmak, bo-
ýun egmezekleri dogrularyň düşünjesine
gönükdirmek üçin, Ylýasyň ruhundan
we gudratyndan dolar, Reb Isa Mesihiň[a]
öňünden ýörär. Ol Rebbiň göwnünden
turjak halky taýýarlar». 18 Zekarýa periş-
dä: «Men muny nähili bileýin? Men bir
garry adam, aýalym-da garrylyk ýaşyna
ýeten» diýdi. 19 Perişde oňa: «Men – Hu-
daýyň huzurynda durýan Jebraýyl. Men
seniň bilen gepleşip, saňa bu Hoş Habary
gowşurmak üçin iberildim. 20 Sen meniň
bellenen wagtda amala aşjak sözlerime
ynanmadyň. Şonuň üçin hem seniň diliň
tutulyp, şu zatlaryň amala aşjak gününe
çenli gepläp bilmersiň» diýip jogap berdi.

21 Şol wagt Zekarýa garaşyp duran
halk onuň ybadathanada eglenenine
geň galdy. 22 Zekarýa daşary çykanda,
olar bilen gepleşip bilmedi. Şonda olar
ybadathanada onuň bir görnüş gören-
digine göz ýetirdiler, sebäbi Zekarýa
olara üm bilen yşarat edýärdi, emma
gepleşip bilmeýärdi.

23 Hyzmat etmeli wagty tamamlanan-
soň, Zekarýa öýüne gaýtdy. 24 Aradan
köp wagt geçmänkä, onuň aýaly Eliza-
bet göwreli boldy. Ol bäş aýlap hiç ýere

---

[a] **1:17** ***Mesih*** – ýewreýler bu sözi Hudaý tarapyndan wada berlen Patyşa babatynda ulan-
ýardylar. Sözlüge seret.

çykmady, öýünde boldy. 25Ol: «Muny
meniň üçin eden Rebdir. Indi Ol maňa
nazar salyp, il arasyndaky utanjymdan
dyndardy» diýýärdi.

### *Isanyň doguljagy öňünden aýdylýar*

26Elizabetiň göwreliliginiň altynjy
aýynda Hudaý Jebraýyl perişdäni Je-
liläniň Nasyra şäherine, 27Dawudyň
neslinden Ýusup atly adamyň adaglysy
bolan bir boý gyzyň ýanyna iberdi. Ol
gyzyň ady Merýemdi. 28Perişde onuň
ýanyna gelip: «Salam, eý, ýalkanan gyz!
Reb seniň bilendir![a]» diýdi. 29Merýem
bu sözlere ör-gökden gelip, bu sala-
myň näme aňladýandygyny biljek bolup
pikire batdy. 30Perişde oňa ýüzlenip:
«Gorkma, Merýem, sen Hudaýyň naza-
rynda merhemet tapdyň. 31Sen göwreli
bolup, bir Ogul dograrsyň. Onuň ady-
na Isa dakarsyň. 32Ol beýik bolar, Oňa
Beýik Hudaýyň Ogly[b] diýler. Taňry
Hudaý Oňa atasy Dawudyň tagtyny
berer. 33Ol Ýakubyň nesliniň üstünden
ebedilik şalyk sürer, patyşalygynyň so-
ňy bolmaz» diýdi. 34Merýem perişdä:
«Bu nähili bolar? Men heniz durmuşa
çykamok ahyry» diýdi. 35Perişde oňa:
«Mukaddes Ruh seniň üstüňe iner, Beýik
Hudaýyň gudraty seniň üstüňe kölege
salar. Şonuň üçin hem doguljak çaga
Mukaddes saýylar, Oňa Hudaýyň Ogly
diýler. 36Anha, seniň garyndaşyň Eli-
zabetiň hem garrydygyna garamazdan,
göwresinde çaga bar. Önelgesiz diýilýän
bu aýal eýýäm alty aý bäri göwrelidir.
37Çünki Hudaýyň ýanynda mümkin däl
zat ýokdur» diýip jogap berdi. 38Mer-
ýem: «Men Rebbiň gyrnagydyryn. Goý,
maňa seniň aýdyşyň ýaly bolsun» diýdi.
Onsoň perişde onuň ýanyndan gitdi.

### *Merýem Elizabetiň ýanyna gidýär*

39Şol günlerde Merýem ýol şaýyny
tutup, gyssanmaç Ýahudyýanyň daglyk
ülkesindäki bir şähere gitdi. 40Ol ýerde
Zekarýanyň öýüne baryp, Elizabete sa-
lam berdi. 41Merýemiň salamyny eşiden
badyna, göwresindäki çaga gymyldap,
Elizabet Mukaddes Ruhdan doldy. 42Ol
batly gygyryp: «Sen aýallar arasynda
ýalkanansyň, göwräňdäki çaga hem
ýalkanandyr! 43Rebbimiň enesi meniň
ýanyma geler ýaly, men nädip beýle
ýalkandymkam? 44Salamyň gulagyma
gelip ýeten badyna, göwrämdäki çaga
begençden ýaňa gymyldady. 45Rebbiň
aýdanlarynyň amala aşjakdygyna iman
eden aýal bagtlydyr!» diýdi.

### *Merýemiň aýdymy*

46Merýem şeýle diýdi:
«Janym Rebbi beýgeldýär,
47ruhum Halasgärim Hudaýa
şatlanýar.
48Ol men pespäl gyrnagyna
nazaryn saldy.
Mundan beýläk ähli nesiller
maňa bagtly diýerler.
49Gudratygüýçli meniň üçin beýik
işler etdi.
Onuň ady mukaddesdir.
50Ol nesillerboýy Özünden
gorkýanlara merhemet eder.
51Ol güýji bilen beýik işleri amala
aşyrdy,
öwünjeňleri olaryň ähli içki
pikirleri bilen dargatdy.

---

[a] **1:28** Käbir golýazmalarda *Sen aýallar arasynda bagtlysyň!* diýen jümle hem bar.
[b] **1:32** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

[52] Hökümdarlary tagtyndan düşürip,
pespäl adamlary beýgeltdi.
[53] Açlary näz-nygmatdan doýrup,
baýlary bolsa boş gaýtardy.
[54-55] Atalarymyza söz berşi ýaly,
Ybraýym bilen onuň nesline
rehimdarlyk etmegi hiç unutman,
guly Ysraýyla ýardam etdi».
[56] Merýem Elizabetiň öýünde üç aýa
golaý bolup, soň öýüne gaýtdy.

### *Çümdüriji Ýahýa dogulýar*

[57] Elizabetiň aýy-güni dolup, bir ogul
dogurdy. [58] Goňşularydyr dogan-garyn-
daşlary Rebbiň oňa beýik merhemet
edendigini eşidip, onuň bilen şatlandylar.
[59] Sekizinji gün çagany sünnet etmäge
geldiler. Oňa kakasy Zekarýanyň adyny
dakjak boldular. [60] Emma ejesi muňa
garşy bolup: «Ýok, onuň ady Ýahýa
bolmalydyr» diýdi. [61] Olar oňa: «Seniň
garyndaşlaryňyň arasynda Ýahýa at-
lysy ýok ahyry» diýdiler. [62] Onsoň olar
çaganyň kakasyna üm bilen düşündirip,
onuň adyna näme dakmakçydygyny
soradylar. [63] Zekarýa hem ýazar ýaly
bir tagtajyk tapyp, oňa «Ady Ýahýa»
diýip ýazdy. Hemmeler haýran galdy.
[64] Şol wagt Zekarýanyň dili açylyp, Hu-
daýa öwgi aýdyp, geplemäge başlady.
[65] Goňşularyň hemmesini gorky gaplady.
Ýahudyýa daglygynyň ähli ýerinde bu
bolan wakalaryň barysy hakda gürrüň
edildi. [66] Muny eşidenleriň bary bu zatlar
hakda oý-pikire batyp: «Bu çaga kim
bolarka?» diýişýärdi. Çünki Rebbiň
güýji onuň bilendi.

### *Zekarýanyň pygamberligi*

[67] Çaganyň kakasy Zekarýa Mukaddes
Ruhdan dolup, şeýle pygamberlik etdi:
[68] «Ysraýylyň Hudaýy Rebbe
öwgüler bolsun!
Çünki Ol Öz halkyna nazaryn
salyp, halas etdi.
[69-71] Öňki zamanda
mukaddes pygamberler arkaly
söz berşi ýaly,
duşmanlarymyzdan bizi halas
etmäge,
ýigrenýänleriň ählisinden
dyndarmaga,
Ol biziň üçin Öz guly Dawudyň
neslinden
bir güýçli Halasgär çykardy.
[72] Ol muny atalarymyza
rehimdarlyk etmek üçin,
Öz mukaddes ähtini ýatda
saklamak üçin etdi.
[73] Atamyz Ybraýyma ant içip, şeýle
söz berdi:
[74-75] Duşmanlarymyzyň elinden bizi
halas etmäge,
ömrümiz boýy huzurynda
gorkusyz,
mukaddeslik hem dogrulyk bilen
gulluk etmäge mümkinçilik berdi.
[76] Eý, balam, sen hem Beýik
Hudaýyň pygamberi diýen
ady alarsyň!
Rebbe ýol taýýarlamak üçin,
Onuň öňünden ýörärsiň.
[77] Günäleriniň bagyşlanmagy arkaly
olaryň halas boljakdygyny
Onuň halkyna mälim edersiň.
[78] Hudaýymyz mähir-şepagatdan
doludyr:
Ol üstümize Gün şöhlesini
dökdürer.
[79] Tümlükde we ölüm kölegesinde
oturanlara nur saçylar,
aýaklarymyz parahatlyk ýoluna
gönükdiriler».
[80] Şunlukda, çaga ösýärdi we ruhy taý-
dan güýçlenýärdi. Ol ysraýyl halkyna
görünmeli günlerine çenli çölde ýaşady.

## 2-nji bap

### *Isa doguly̌ar*
*(Matta 1:18-25)*

1 Şol günlerde Rim imperatory Awgust
tutuş imperiýada ilat ýazuwyny geçir-
mek barada perman çykardy. 2 Bu ilkinji
ilat ýazuwy bolup, ol Kiriniusyň Siriýa
hökümdarlyk eden döwründe geçirildi.
3 Ilat ýazuwyndan geçmek üçin, her kim
öz şäherine gitdi.
4 Şeýlelikde, Ýusup hem Jeliledäki
Nasyra şäherinden çykyp, Dawudyň
Ýahudyýadaky Beýtullaham şäherine git-
di, sebäbi ol Dawudyň urugyndan bolup,
onuň nesline degişlidi. 5 Ýusup ýazylmak
üçin ol ýere göwreli adaglysy Merýemi
hem alyp gitdi. 6-7 Olar Beýtullahamdaka-
lar, Merýemiň aýy-güni dolup, nowbahar
ogluny dogurdy. Merýem Ony gundaga
dolady-da, bir ahyrda ýatyrdy, sebäbi
olar myhmanhanadan ýer tapmandylar.

### *Çopanlar we perişdeler*

8 Şol gije Beýtullahamyň golaýynda
käbir çopanlar sürülerini goraýardylar.
9 Birdenkä olaryň öňünde Rebbiň bir pe-
rişdesi peýda boldy we Rebbiň ýalkymy
daş-töweregi ýagtyltdy. Çopanlar gaty
gorkdular. 10 Perişde olara: «Gorkmaň!
Men size ähli halky begendirjek şatlyk-
ly Hoş Habary yglan edýärin: 11 Şu gün
Dawudyň şäherinde siziň üçin Halasgär
doguldy. Ol Rebbimiz Mesihdir. 12 Ine, bu
size bir alamat bolar: siz gundaga dolan-
gy, ahyrda ýatan bir Çagany taparsyňyz»
diýdi. 13 Birdenkä perişde bilen birlikde
gögüň san-sajaksyz goşuny göründi. Olar
Hudaýy öwüp şöhratlandyrdylar:

14 «Gökler gögünde Hudaýa şöhrat
bolsun!
Hudaýdan merhemet tapan
ýerdäki ynsanlara parahatlyk
bolsun! [a]» diýýärdiler.

15 Perişdeler çopanlaryň ýanyndan
aýrylyp, göge göterilenlerinde, çopanlar
biri-birlerine: «Ýörüň, Beýtullahama
gideliň. Rebbiň bize aýan eden bu wa-
kasyny göreliň» diýişdiler.
16 Şeýlelikde, olar gyssanmaç gidip,
Merýemi, Ýusuby we ahyrda ýatan ça-
gany tapdylar. 17 Olar Isany görenlerinde,
bu çaga hakda eşidenlerini olara gürrüň
berdiler. 18 Çopanlaryň gürrüňlerini eşi-
denleriň bary haýran galdy. 19 Merýem
bolsa bu zatlaryň bary hakda çuňňur
pikire batyp, olary ýüreginde saklaýardy.
20 Çopanlar hemme görüp-eşidenleriniň
özlerine aýdylyşy ýaly bolandygy üçin,
Hudaýy şöhratlandyrdylar, öwgüler aý-
dyp, yzlaryna dolandylar.

### *Şimgon we Hanna Isa hakda pygamberlik edýärler*

21 Sekizinji gün çagany sünnetleme-
li bolanda, Onuň adyna Isa dakdylar.
Bu Onuň enesiniň göwresinde galmaz-
dan öň, perişdäniň Oňa beren adydy.
22 Musanyň kanuny boýunça geçirilýän
tämizleniş däp-dessurlaryň berjaý edil-
meli döwri ýetip gelende, Ýusup bilen
Merýem Iýerusalime gitdiler. Olar Isa-
ny Rebbe bagyş etmek üçin, Ony hem
ýanlaryna aldylar. 23 Kanunda: «Ilkinji
doglan her bir erkek göbekli Rebbe ba-

[a] **2:14** ***Hudaýdan… parahatlyk bolsun!*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Ýer ýüzünde parahatlyk, ynsanlar arasynda hoşniýetlilik bolsun!* diýip duş gelýär.

**2:23** Msr 13:2,12.

gyş edilmeli» diýip ýazylandyr. [24]Olar
Kanunda ýazylyşy ýaly, iki gumryny
ýa-da kepderini hem gurbanlyk hök-
münde hödür etmelidiler.

[25]Şol wagt Iýerusalimde Şimgon atly
bir dogruçyl we takwa adam ýaşaýardy.
Ol ysraýyl halkynyň azat edilmegine ga-
raşýardy, Mukaddes Ruh onuň üstündedi.
[26]Oňa Rebbiň Mesihini görmezden öň
ölmejekdigi Mukaddes Ruh tarapyndan
aýan bolupdy. [27]Simun Mukaddes Ruhuň
ugrukdyrmagy bilen ybadathananyň
howlusyna geldi. Isanyň ene-atasy Töw-
ratda ýazylan adaty berjaý etmek üçin,
Çagany içeri salanlarynda, [28]Simun Ony
gujagyna alyp, Hudaýa alkyş okap, şeýle
diýdi: [29]«Ýa Reb, Öz beren sözüňe görä,
indi guluň arkaýyn amanadyny tabşyryp
biler. [30-31]Ine, Seniň ähli halklaryň öňün-
de taýýarlan Halasgäriňi gözüm bilen
gördüm. [32]Keseki milletlere aýanlyk
berjek, halkyň ysraýyly şöhratlandyrjak
nury gördüm».

[33]Çaga barada aýdylýan sözlere onuň
ene-atasy haýran galdy. [34]Şimgon olara
ak pata berip, enesi Merýeme: «Bu çaga
Hudaý tarapyndan berlen alamat bolup,
ynsanlar oňa garşy çykarlar. Ol sebäp-
li Ysraýylda köp adamlar heläk bolar,
köp adamlar bolsa ýalkanar. [35]Şonda
ençeme ýürekleriň syrly pikirleri aýan
bolar. Seniň kalbyňa hem hasrat ýiti
gylyç kimin sanjylar» diýdi.

[36-37]Ol ýerde segsen dört ýyldan bäri
dul ýaşaýan Hanna atly garry pygamber
aýal hem bardy. Ol aşer tiresinden Pa-
nuýeliň gyzydy. Ol durmuşa çykandan
soňra äri bilen ýedi ýyl ýaşaşyp, dul
galypdy. Bu aýal hemişe ybadathananyň
howlusynda bolup, agyz bekläp, doga
okap, gije-gündiz Hudaýa ybadat ed-
ýärdi. [38]Hanna hem edil şol pursat gelip,
Rebbe öwgi aýdyp, Iýerusalimiň halas
bolmagyna garaşýanlaryň baryna bu
Çaga hakda gürrüň berdi. [39]Ýusup bilen
Merýem Musanyň kanuny boýunça ähli
zady berjaý edenlerinden soňra, Jelilä,
özleriniň Nasyra şäherine dolandylar.
[40]Çaga ulalyp, güýçde we akyldarlyk-
da ösýärdi. Hudaýyň merhemeti Onuň
üstündedi.

### *Isa din mugallymlary bilen*

[41]Isanyň ene-atasy her ýyl Pesah baý-
ramynda Iýerusalime gidýärdiler. [42]Isa
on iki ýaşyna ýetende, olar baýramçylyk
adaty boýunça ýene Iýerusalime git-
diler. [43]Baýramçylyk gutarandan soň,
olar öýlerine dolandylar. Ýetginjek Isa
bolsa Iýerusalimde galdy, emma Onuň
ene-atasynyň mundan habary ýokdy.
[44]Olar Ony ýolagçylaryň arasyndadyr
öýdüp, bir günlük ýoly geçdiler. Onsoň
Ony dogan-garyndaşlarynyň, dost-ýar-
larynyň arasyndan gözläp başladylar.
[45]Ony gözläp tapmansoňlar, yzlaryna
Iýerusalime dolandylar. [46]Üç günden
soň, Ony ybadathananyň howlusyn-
dan tapdylar. Ol din mugallymlarynyň
arasynda oturyp, olary diňläp, soraglar
berýärdi. [47]Isany diňleýänleriň bary
Onuň paýhasyna, berýän jogaplaryna
haýran galýardylar. [48]Ene-atasy Ony
görenlerinde geň galdylar. Ejesi Oňa:
«Oglum! Näme üçin beýtdiň? Kakaň
ikimiz gaty gaýgy edip, Seni gözledik»
diýdi. [49]Isa olara: «Meni näme üçin
gözlediňiz? Siz Meniň Atamyň öýün-
de bolmalydygymy bilmeýärdiňizmi?»
diýdi. [50]Emma olar Onuň näme diýjek
bolýandygyna düşünmediler. [51]Onsoň
Isa ene-atasy bilen Nasyra gaýtdy, ola-

**2:24** Lew 12:8.

ryň sözüne gulak asdy. Emma Onuň
ejesi bu gürrüňleriň ählisini ýüreginde
saklaýardy. 52 Isa akyldarlykda, boýda
ösüp, Hudaýyň hem adamlaryň mährini
gazanýardy.

### 3-nji bap

***Ýahýa çümdürijiniň wagzy***
*(Matta 3:1-12; Mark 1:1-8;*
*Ýohanna 1:19-28)*

1 Rim imperatory Tibereýiň hökümdar-
lygynyň on bäşinji ýylynda, Pontiý Pilat
Ýahudyýyanyň häkimi döwründe Hirod –
Jeliläni, onuň dogany Filip – Itureýa
bilen Trahonitis welaýatyny, Lisani-
ýas-da Abilini dolandyrýardy. 2 Hanan
bilen Kaýafa hem baş ruhanydy. Şonda
Zekarýanyň ogly Ýahýa Hudaýyň sözi
aýan boldy. Ol çölde ýaşaýardy. 3 Ýahýa
Iordan derýasynyň töweregindäki ähli
ýerlere aýlanyp, adamlara günäleriniň
bagyşlanmagy üçin toba edip, suwa çüm-
dürilmeklerini wagyz edýärdi. 4 Işaýa
pygamber bu barada öz kitabynda şeýle
ýazypdy:

«Çölde bir ses gygyrýar:
„Rebbe ýol taýynlaň!
Onuň ýodalaryny düzläň!
5 Ähli dereler doldurylar,
ähli dag-depeler peseldiler,
egrem-bugram ýollar dogrulanar,
büdür-südür ýodalar tekizlener.
6 Şonda ähli ynsanlar Hudaýyň
halas edişini görerler“».

7 Bir uly mähelle suwa çümdürilmek
üçin, Ýahýanyň ýanyna geldi. Ýahýa
olara şeýle ýüzlendi: «Eý, alahöwrenler
nesli! Geljek gazapdan gaçyp gutulyp
bileris öýdýäňizmi? 8 Mundan beýläk
eden tobaňyza mynasyp miwe beriň.
Öz-özüňize: „Biziň atamyz Ybraýym-
dyr“ diýip aýtmagy hyýalyňyza hem
getirmäň. Men size şuny aýdaýyn: Hu-
daý Ybraýym üçin şu daşlardan hem
perzent ýaradyp bilýändir. 9 Ine, palta
eýýäm agaçlaryň düýbünde ýatyr: oňat
miwe bermeýän her bir agaç çapylyp,
oda taşlanar».

10 Halk ondan: «Eýsem, biz näme et-
meli?» diýip sorady. 11 Ol: «Iki köýnekli
birini köýneksize bersin. Iýmiti bolan
hem şonuň ýaly etsin» diýip jogap berdi.
12 Salgytçylar-da çümdürilmek üçin onuň
ýanyna gelip: «Mugallym, biz näme et-
meli?» diýip soradylar. 13 Ýahýa olara:
«Özüňize buýrulandan artyk almaň»
diýdi. 14 Onsoň esgerler-de: «Biz näme
etmeli?» diýip soradylar. Olara: «Hiç
kimden zorluk bilen pul almaň, nähak
ýere töhmet atmaň, öz hakyňyza kaýyl
boluň» diýdi.

15 Halk Mesihe umyt bilen garaşýardy
we hemmeler Ýahýa hakda ýüreklerin-
de: «Ýahýa şol Mesih bolaýmasyn?»
diýip oýlanýardy. 16 Ýahýa olara: «Men
sizi suwa çümdürýärin, emma men-
den has güýçli Biri geler, men hatda
Onuň çarygynyň bagyny çözmäge-de
mynasyp däldirin. Ol sizi Mukaddes
Ruha hem-de oda çümdürer. 17 Onuň
harman sowurýan çarşagy elindedir.
Ol harman ýerini süpürip, bugdaýy am-
maryna üýşürer, samany bolsa sönmez
otda ýakar» diýdi. 18 Ol başga-da köp
öwüt-ündew edip, halka Hoş Habary
wagyz edýärdi.

19 Emma baş häkim Hirod öz doga-
nynyň aýaly Hirodiýa öýleneni üçin
we başga-da köp erbet işleri edeni üçin,
Ýahýanyň käýinjine sezewar boldy. 20 Ol
Ýahýany zyndana salmak bilen öňki

**3:4-6** Işa 40:3-5.

eden ähli pislikleriniň üstüne ýene bir
pislik goşdy.

### *Isa suwa çümdürilýär*
*(Matta 3:13-17; Mark 1:9-11)*

21 Ähli halk suwa çümdürilip çykary-
landan soň, Isa-da çümdürilip çykaryldy.
Ol Hudaýa doga edýärkä, gökler açylyp,
22 Mukaddes Ruh kepderi görnüşde Onuň
üstüne indi. Gökden: «Sen Meniň söwer
Oglumsyň. Men Senden köp razydyryn»
diýen owaz geldi.

### *Isanyň nesil daragty*
*(Matta 1:1-17)*

23 Isa Öz hyzmatyna başlan wagty
otuz ýaşlaryndady. Ol Ýusubyň ogly
hasaplanýardy. Ýusup Eliýiň ogly, 24 Eliý
Mattadyň, Mattat Lewiniň, Lewi Melki-
niň, Melki Ýannaýyň, Ýannaý Ýusubyň,
25 Ýusup Mattatýanyň, Mattatýa Amosyň,
Amos Nahumyň, Nahum Esliniň, Esli
Nagaýyň, 26 Nagaý Mahadyň, Mahat
Mattatýanyň, Mattatýa Şimiýiň, Şi-
miý Ýosehiň, Ýoseh Ýodanyň, 27 Ýoda
Ýohananyň, Ýohanan Resanyň, Resa
Zerubabylyň, Zerubabyl Şeýaltyýeliň,
Şeýaltyýel Neriniň, 28 Neri Melkiniň,
Melki Addynyň, Addy Kosamyň, Ko-
sam Elmadamyň, Elmadam Eriň, 29 Er
Ýeşuwanyň, Ýeşuwa Eligezeriň, Elige-
zer Ýorymyň, Ýorym Mattatyň, Mattat
Lewiniň, 30 Lewi Şimgonyň, Şimgon
Ýahudanyň, Ýahuda Ýusubyň, Ýusup
Ýonamyň, Ýonam Elýakymyň, 31 Elýa-
kym Meleýanyň, Meleýa Mennanyň,
Menna Mattatanyň, Mattata Natanyň,
Natan Dawudyň, 32 Dawut Ýyşaýyň,
Ýyşaý Obediň, Obet Bowazyň, Bowaz
Salanyň [a], Sala Nahşonyň, 33 Nahşon
Eminadabyň, Eminadap Admynyň, Ad-
myn Arnynyň, Arny Hesronyň, Hesron
Peresiň, Peres Ýahudanyň, 34 Ýahudy-
ýa Ýakubyň, Ýakup Yshagyň, Yshak
Ybraýymyň, Ybraýym Teranyň, Tera
Nahoryň, 35 Nahor Serugyň, Seruk Re-
guwyň, Reguw Pelegiň, Pelek Eberiň,
Eber Şelanyň, 36 Şela Keýnanyň, Keýnan
Arpakşadyň, Arpakşat Samyň, Sam
Nuhuň, Nuh Lemegiň, 37 Lemek Me-
tuşelanyň, Metuşela Hanogyň, Hanok
Ýerediň, Ýeret Mahalaleliň, Mahalalel
Keýnanyň, 38 Keýnan Enoşyň, Enoş Şi-
siň, Şis Adamyň ogludy, Adam bolsa
Hudaýyň ogludy.

## 4-nji bap

### *Isa synalýar*
*(Matta 4:1-17; Mark 1:12-15)*

1 Isa Mukaddes Ruhdan dolup, Iordan
derýasyndan yzyna dolandy. Mukaddes
Ruh Ony çöle alyp gitdi. 2 Isa ol ýerde
kyrk günläp iblis tarapyndan synaga
salyndy. Şol günleriň dowamynda Ol
hiç zat iýmedi, kyrk günden soň bolsa
ajykdy.
3 Iblis Oňa: «Eger Sen Hudaýyň Ogly
bolsaň, bu daşyň çörege öwrülmegini
buýur» diýdi. 4 Isa: «„Ynsan diňe çörek
bilen ýaşamaýar“ diýip ýazylgydyr»
diýip jogap berdi.
5 Soňra iblis Isany bir belent ýere çy-
karyp, Oňa dünýäniň ähli şalyklaryny
görkezdi. 6 Iblis Isa: «Men bularyň ähli-
siniň hökümdarlygyny we şan-şöhratyny
Saňa bereýin. Bular maňa berildi, men
hem ony islänime berip bilýärin. 7 Şonuň

[a] **3:32** ***Sala*** – bu at Köne Ähtde *Salmon* diýip duş gelýär.

**4:4** Kan 8:3.

üçin Sen maňa sežde etseň, bularyň bary
Seniňki bolar» diýdi. 8 Isa oňa: «„Hu-
daýyňyz Rebbe sežde ediň, diňe Oňa
gulluk ediň“ diýip hem ýazylgydyr [a]»
diýip jogap berdi.
9 Soňra iblis Isany Iýerusalime getirdi.
Ony ybadathananyň çür depesine çyka-
ryp: «Eger Sen Hudaýyň Ogly bolsaň,
Özüňi şu ýerden aşak okla. 10-11 Çünki
şeýle ýazylgydyr:

„Seni berk goramak üçin,
Ol perişdelerine Sen babatda
emr eder.
Aýagyň daşa büdremez ýaly,
olar Seni ellerinde göterer“»
diýdi.

12 Isa oňa: «„Hudaýyňyz Rebbi sy-
namaň“ diýip hem ýazylgydyr» diýip
jogap berdi.
13 Iblis Isany synaglaryň hemmesinden
geçirip gutarandan soň, amatly pursat
gelýänçä, Onuň ýanyndan gitdi. 14 Isa
Mukaddes Ruhuň güýji bilen Jelilä dola-
nyp geldi. Ol hakdaky gürrüňler etrabyň
çar tarapyna ýaýrady. 15 Ol ýahudylaryň
sinagogalarynda halka öwretmäge baş-
lady, hemmeler Oňa öwgi aýdýardylar.

### *Nasyrada Isany ret edýärler*
*(Matta 13:53-58; Mark 6:1-6)*

16 Bir gün Isa Öz dogduk mekany bolan
Nasyra gitdi. Ol Sabat güni adatdaky
ýaly sinagoga baryp, Mukaddes Ýaz-
gylardan okamak üçin ýerinden turdy.
17 Oňa Işaýa pygamberiň kitabyny ber-
diler. Ol hem kitaby açyp, şu sözleriň
ýazylan ýerini tapdy:

18-19 «Rebbiň ruhy üstümdedir.
Garyplara Hoş Habary
bildirmegim üçin,
Ol Meni seçip-saýlady;
tussaglara azatlygy,
körlere gözüniň açyljakdygyny
yglan etmäge [b] Ol Meni iberdi.
Zulum astyndakylary azatlyga
çykarmaga,
Rebbiň merhemet ýylyny jar
etmäge Meni iberdi».

20 Onsoň kitaby ýapyp, ony yzy-
na – hyzmatkäre berdi-de oturdy.
Sinagogadakylaryň barynyň gözi Oňa
dikildi. 21 Isa olara: «Siziň eşiden bu mu-
kaddes ýazgyňyz şu gün berjaý boldy»
diýip, gürrüňe başlady. 22 Hemmeler Isa-
ny öwüp, Onuň agzyndan çykan ajaýyp
sözlere haýran galyp: «Bu Ýusubyň Ogly
dälmi?» diýip soradylar. 23 Isa olara: «Si-
ziň Maňa: „Eý, lukman, ilki özüňe şypa
ber!“ diýen nakyly aýtjakdygyňyzy bilip
durun. Siz: „Kapernaumda eden işleriňi
eşitdik. Olary şu ýerde, Öz ýurduňda-da
berjaý et-dä“ diýersiňiz» diýdi. 24 Ol ýene
şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn,
hiç bir pygamber öz ýurdunda kabul
edilmeýär. 25 Size hakykaty aýdýaryn:
Ylýasyň döwründe üç ýyl alty aýlap as-
mandan ýekeje damja-da ýagyş damman,
ähli ýurda elhenç açlyk düşende, Ysraýyl-
da köp dul aýallar bardy. 26 Emma Ylýas
olaryň hiç biriniň ýanyna iberilmän, diňe
Sidondaky Sarepat şäherinde bolan bir
keseki dul aýalyň ýanyna iberildi. 27 Şeýle
hem, Elýaşa pygamberiň döwründe Ys-
raýylda deri keselli köp adamlar bardy.

---

[a] **4:8** Käbir golýazmalarda *Ýok bol, şeýtan!* diýen jümle hem bar.
[b] **4:18** Käbir golýazmalarda *döwlen ýürekleri bejermäge* diýen jümle hem bar.

**4:8** Kan 6:13. **4:10-11** Zeb 90:11-12. **4:12** Kan 6:16. **4:18-19** Işa 61:1-2.
**4:27** 2Pat 5:1-14.

Emma Elýaşa diňe siriýaly keseki Naga-
manyň ýanyna iberildi we ondan başga
hiç kim tämiz bolmady». 28 Bu sözleri
eşidenlerinde, sinagogadakylaryň bary
gahar-gazaba mündi. 29 Olar aýaga galyp,
Isany şäherden kowdular. Nasyra şäheri
depede ýerleşýärdi. Olar Ony şol depäniň
çür başyna çykaryp, aşak taşlajak boldu-
lar. 30 Emma Isa olaryň arasyndan geçip,
ol ýerden çykyp gaýtdy.

### *Isa arwah-jyny kowýar*

31 Onsoň Isa Jeliläniň Kapernaum şähe-
rine gelip, Sabat güni halka öwretmäge
başlady. 32 Halk Onuň taglymatyna haý-
ran galdy, sebäbi Ol ygtyýarlylyk bilen
gepleýärdi. 33 Sinagogada arwah-jyn
eýelän bir adam bardy. Ol batly ses bi-
len gygyryp: 34 «Eý, nasyraly Isa! Biziň
bilen näme işiň bar? Bizi ýok etmäge
geldiňmi? Men Seniň kimdigiňi bilýärin,
Sen Hudaýyň Mukaddesisiň» diýip gy-
gyrdy. 35 Isa arwah-jyna käýäp: «Sem bol!
Bu adamdan çyk!» diýip buýruk berdi.
Şonda arwah-jyn ol adamy hemmeleriň
öňünde ýere ýykdy-da, hiç zyýan ýetir-
män, ondan çykdy. 36 Hemmeler haýran
galyp, biri-birlerine: «Bu nähili söz? Ol
ygtyýar hem gudrat bilen arwah-jynla-
ra buýruk berýär. Olar hem çykýarlar»
diýişdiler. 37 Isa hakyndaky habar bu
etrabyň çar tarapyna ýaýrady.

### *Isa köp hassalara şypa berýär*

38 Isa sinagogadan çykyp, Simunyň
öýüne bardy. Simunyň gaýynenesini
gyzdyryp ýatyrdy. Muňa Isadan kömek
soradylar. 39 Isa onuň başujunda durup,
gyzzyrma käýedi welin, onuň gyzzyr-
masy aýryldy. Ol aýal dessine ýerinden
turdy-da, olara hyzmat etmäge başlady.
40 Gün batanda, adamlar her dürli kesel-
lileri Isanyň ýanyna getirdiler. Isa hem
olaryň her biriniň üstüne elini goýup
şypa berdi. 41 Köpüsinden arwah-jynlar:
«Sen Hudaýyň Oglusyň! [a]» diýip gygy-
ryşyp çykýardy. Emma Isa olara käýäp,
geplemeklerine ýol bermeýärdi, sebäbi
olar Onuň Mesihdigini bilýärdiler.
42 Ertesi gün daň atanda, Isa öýden
çykyp, bir çola ýere gitdi. Halk hem
Onuň gözlegine çykdy. Olar Isany ta-
panlarynda, Ony öz ýanlarynda alyp
galmaga dyrjaşdylar. 43 Isa olara: «Men
Hudaýyň Şalygynyň Hoş Habaryny
beýleki şäherlerde-de wagyz etmeli, hut
şonuň üçin hem iberildim» diýdi. 44 Şeý-
dip, Ol Ýahudyýanyň [b] sinagogalarynda
wagyz etmegini dowam etdirdi.

## 5-nji bap

### *Isanyň ilkinji şägirtleri*
*(Matta 4:18-22; Mark 1:16-20)*

1 Bir gün Isa Ginnesaret kölüniň [ç] ke-
narynda wagyz edýärkä, halk Hudaýyň
sözüni diňlemek üçin, Onuň daşyna üýş-
di. 2 Şonda Isa kölüň ýakasynda duran iki
gaýygy gördi. Balykçylar gaýyklardan
düşüp, torlaryny ýuwup durdular. 3 Isa
gaýyklaryň birine münüp, gaýygyň eýesi
Simundan kenardan biraz uzaklaşmagy
haýyş etdi. Onsoň Ol gaýykda oturan
ýerinden halka öwretmäge durdy. 4 Isa sö-
züni tamamlandan soň, Simuna: «Kölüň
çuň ýerine gidiň-de, balyk tutmak üçin
torlaryňyzy suwa taşlaň» diýdi. 5 Simun
Oňa: «Halypa! Bütin gije jan etsek-de,

[a] **4:41** Käbir golýazmalarda *Sen Mesihsiň!* diýen sözler hem bar.
[b] **4:44** ***Ýahudyýanyň*** – käbir golýazmalarda *Jeliläniň.*
[ç] **5:1** ***Ginnesaret köli*** – bu Jelile kölüniň beýleki ady.

hiç zat tutup bilmedik, ýöne Seniň sözüň
hatyrasyna torlary ýene taşlaýyn» diýdi.
6Muny aýdylyşy ýaly edenlerinde, olar
şeýle bir köp balyk tutdular welin, torla-
ry-da ýyrtylyp başlady. 7Şoňa görä olar
beýleki gaýykdaky ýoldaşlarynyň gelip
kömekleşmekleri üçin, ellerini bulap
yşarat etdiler. Olar gelip, iki gaýygy-da
balykdan doldurdylar. Gaýyklar tas suwa
batypdy. 8Simun Petrus muny görende,
Isanyň aýagyna ýykylyp: «Eý, Agam!
Meniň ýanymdan aýryl, men bir günä-
li adam!» diýdi. 9Tutan balyklarynyň
köpdügine onuň özi we ýanyndakyla-
ryň hemmesi haýran galdy. 10Simunyň
ýoldaşlary Ýakup bilen Ýohanna atly
Zebedeýiň ogullary hem muňa haýran
galdylar. Isa Simuna: «Gorkma, sen
mundan beýläk balyk deregine ynsan-
lary tutarsyň» diýdi. 11Şeýlelikde, olar
gaýyklaryny kenara çykaryp, bar zady
taşlap, Onuň yzyna düşdüler.

### *Isa deri kesellini sagaldýar*
*(Matta 8:1-4; Mark 1:40-45)*

12Isa şäherleriň birindekä, elhenç deri
keseline ýolugan bir adam Onuň ýanyna
geldi. Ol Isany görende, dyzyna çöküp,
Oňa: «Eý, Agam! Eger isleseň, meni bu
keselden tämizläp bilersiň» diýip ýalbar-
dy. 13Isa hem elini uzatdy-da, oňa degrip:
«Isleýärin, tämiz bol!» diýdi. Deri keseli
ol adamdan şobada aýryldy. 14Soňra Isa
oňa: «Muny hiç kime aýtmagyn. Ýöne
git-de, ruhana görün we deri keselinden
saplanandygyňy hemmelere subut eder
ýaly, Musanyň buýran sadakasyny ber»
diýip buýurdy. 15Emma Isa hakyndaky
habarlar barha ýaýraýardy. Isany diňle-
mek we kesellerine şypa tapmak üçin,
Onuň ýanyna uly mähelle ýygnanýardy.
16Isa bolsa köplenç ýeke Özi çola ýerlere
gidip, Hudaýa doga okaýardy.

### *Isa bir ysmazy sagaldýar*
*(Matta 9:1-8; Mark 2:1-12)*

17Bir gün Isa halka öwredip otyrka,
Jeliläniň ähli obalaryndan, Ýahudyýa-
dyr Iýerusalimden gelen fariseýler bilen
Töwrat mugallymlary-da şol ýerdedi-
ler. Isa Rebbiň gudraty arkaly hassalara
şypa berýärdi. 18Şol wagt birnäçe adam
bir ysmazy düşegi bilen göterip getir-
di. Olar ony jaýyň içine salyp, Isanyň
öňünde ýatyrjak boldular. 19Emma üý-
şen mähelleden ýaňa ony içeri salmaga
ýol tapmansoňlar, jaýyň üstüne çykyp,
üçegi söküp açdylar. Onsoň ysmazy dü-
şegi bilen üçekden sallap, Isanyň öňüne
düşürdiler. 20Isa olaryň imanyny görüp,
ysmaza: «Dost, seniň günäleriň ötüldi»
diýdi. 21Töwrat mugallymlary bilen fa-
riseýler: «Hudaýa dil ýetirýän bu adam
kim? Günäleri ýeke-täk Hudaýdan başga
kim ötüp biler?» diýip, içini gepletmäge
başladylar. 22Emma Isa olaryň näme pikir
edýändiklerini bilip, olara: «Näme üçin
hyýalyňyzda beýle pikirler edýärsiňiz?
23Haýsyny aýtmak aňsat: „Günäleriň
ötüldi“ diýmekmi ýa-da: „Tur-da, ýöre“
diýmek? 24Emma siz Ynsan Oglunyň ýer
ýüzünde günäleri ötmäge-de ygtyýary-
nyň bardygyny bilip goýuň» diýdi. Onsoň
Ol ysmaza: «Saňa diýýärin, tur, düşegiňi
al-da, öýüňe gaýt» diýdi. 25Ol hem hem-
mäniň gözüniň alnynda dessine ýerinden
turdy we düşegini ýygnady, Hudaýy şöh-
ratlandyryp, öýüne gitdi. 26Ähli adamlar
haýran galyp, Hudaýy şöhratlandyrdylar.
Olary gorky gaplap aldy, olar: «Bu gün
şeýle bir geň zatlar gördük» diýişdiler.

### *Isa Lewini çagyrýar*
*(Matta 9:9-13; Mark 2:13-17)*

27Şundan soň Isa daşary çykanda,
salgyt ýygnap oturan Lewini görüp,

oňa: «Meniň yzyma düş!» diýdi. 28 Ol
hem ýerinden turdy-da, ähli zady taşlap,
Onuň yzyna düşdi. 29 Lewi öz öýünde
Isa üçin bir uly meýlis gurady. Saçagyň
başynda olar bilen birtopar salgytçylar
we başga-da köp adamlar nahar iýip
otyrdylar. 30 Fariseýler bilen Töwrat mu-
gallymlary Onuň şägirtlerine: «Näme
üçin salgytçylardyr günäkärler bilen bile
iýip-içýärsiňiz?» diýip hüňürdeşdiler.
31 Isa olara: «Lukman saglara däl-de,
hassalara gerekdir. 32 Men dogrulary
däl-de, günäkärleri toba çagyrmaga
geldim» diýip jogap berdi.

### *Agyz bekleme barada sorag*
*(Matta 9:14-17; Mark 2:18-22)*

33 Olar Isa: «Ýahýanyň şägirtleri ýy-
gy-ýygydan agyz bekläp, doga-dileg
edýärler, fariseýleriň şägirtleri hem şeýle,
emma Seniň şägirtleriň iýip-içip ýörler»
diýdiler. 34 Isa: «Toýda giýew dostlarynyň
ýanyndaka, siz onuň myhmanlaryna
agyz bekledip bilersiňizmi? 35 Emma
giýewiň olardan alynjak günleri geler,
şonda olar agyz beklärler» diýip jogap
berdi.

36 Isa olara şu tymsaly aýdyp berdi:
«Hiç kim täze eşikden ýyrtyp, köne
eşige ýama salmaz. Beýtse, täze eşik
hem ýyrtylar, täze eşikden alnan ýama-
da köne eşige gelişmez. 37 Hiç kim täze
şeraby köne meşiklere guýmaz. Ýogsa
täze şerap meşikleri böwsüp, şerap ýere
döküler, meşikler-de zaýalanar. 38 Täze
şerap täze meşiklere guýulmalydyr. [a]
39 Hiç kim köne şeraby içenden soň tä-
zäni küýsemez. „Könesi oňat“ diýer».

## 6-njy bap

### *Sabat güni barada gürrüň*
*(Matta 12:1-14; Mark 2:23–3:6)*

1 Bir Sabat güni [b] Isa bugdaýlygyň ara-
syndan geçip barýardy. Onuň şägirtleri
bugdaý başlaryny ýolup, aýalarynda
owup iýýärdiler. 2 Fariseýleriň käbiri
olardan: «Näme üçin Sabat güni gadagan
işi edýärsiňiz?» diýip sorady. 3 Isa olara:
«Dawut bilen ýanyndakylar aç galanla-
rynda, siz Dawudyň näme edendigini
asla okamadyňyzmy? 4 Ol Hudaýyň
öýüne girip, Hödür çöreklerini alyp
iýdi, ýanyndakylara hem berdi. Bu olar
üçin gadagandy, diňe ruhanylara rug-
sat berlendi» diýdi. 5 Isa olara ýene-de:
«Ynsan Ogly hatda Sabat gününiň-de
hökümdarydyr» diýdi.

6 Başga bir Sabat güni Isa sinagoga
baryp, halka öwretmäge durdy. Ol ýerde
sag eli şel açan bir adam bardy. 7 Töw-
rat mugallymlary bilen fariseýler Isany
aýyplamakçy boldular. Sabat güni hassa
şypa berermikä diýip, Ony aňtadylar.
8 Isa olaryň pikirlerini bilip, eli şel açan
adama: «Ýeriňden tur-da, orta çyk!»
diýdi. Ol hem ýerinden turup, ortada
durdy. 9 Onsoň Isa olardan: «Size bir
sowalym bar: „Kanun boýunça Sabat
güni ýagşylyk etmek dogrumy ýa-da
ýamanlyk? Biriniň janyny halas etmek
dogrumy ýa-da heläk etmek?“» diýip
sorady. 10 Isa töweregindäkileriň hem-
mesine göz gezdirip çykdy-da, ýaňky
adama: «Eliňi uzat!» diýdi. Ol hem elini
uzatdy welin, eli doly sagaldy. 11 Olar

[a] **5:38** Käbir golýazmalarda *Şeýdip, ikisi hem abat saklanýandyr* diýen jümle hem bar.
[b] **6:1** ***Bir Sabat güni*** – käbir golýazmalarda *Pesah baýramy geçenden soň ikinji Sabat güni*.

**6:3-4** 1Şam 21:1-6.

bolsa gahar-gazaba münüp, Isany näme etmelidigi barada öz aralarynda maslahatlaşmaga başladylar.

### *Isa on iki şägirdini saýlaýar*
*(Matta 10:1-4; Mark 3:13-19)*

12 Şol günlerde Isa doga okamak üçin
daga çykdy we bütin gijäni Hudaýa doga
okap geçirdi. 13 Gün doganda, şägirt-
lerini ýanyna çagyrdy. Olardan on iki
sanysyny saýlap, olary resullyga belledi.
Olar şulardyr: 14-16 Simun (Isa oňa Petrus
lakamyny berdi), onuň dogany Andrys, Ýakup, Ýohanna, Filip, Bartolomeý, Matta, Tomas, Alfeýiň ogly Ýakup, watançy Simun, Ýakubyň ogly Ýahudyýa we Isa haýynlyk eden Ýudas Iskariýot.

17 Isa Özüniň on iki şägirdi bilen dag-
dan aşak düşüp, bir tekiz ýerde durdy. Ol ýerde Onuň başga-da ençeme şägirtleri üýşüp, tutuş Ýahudyýadan, Iýerusalimden, Sur bilen Sidonyň kenarýakalaryndan san-sajaksyz adamlar
gelipdi. 18 Olar Isany diňlemäge we
kesellerine şypa tapmaga gelipdiler. Arwah-jynlardan ejir çekýänler-de
şypa tapýardylar. 19 Ähli adamlar Isa
el degirjek bolup dyrjaşýardy, sebäbi Ondan çykýan güýç olaryň hemmesine şypa berýärdi.

### *Bagtlylar we bagtsyzlar*
*(Matta 5:1-12)*

20 Onsoň Isa şägirtlerine nazaryny
dikip, şeýle diýdi:
«Eý, garyplar, siz bagtlysyňyz,
çünki Hudaýyň Şalygy
siziňkidir!
21 Eý, şu wagt açlyk çekýänler, siz
bagtlysyňyz,
çünki doýarsyňyz.
Şindi aglaýanlar, siz bagtlysyňyz,
çünki şatlykdan gülersiňiz.
22 Ynsan Ogly sebäpli adamlar sizi ýig-
renip, aralaryndan kowan wagty, size sögüp, adyňyzy garalan wagty bagtly-
syňyz! 23 Şol gün şatlanyň, begençden
bökjekläň, sebäbi göklerde aljak sylagyňyz uludyr. Olaryň ata-babalary-da pygamberlere şeýle daradylar.
24 Emma waý halyňyza, eý, baýlar!
Çünki siz eýýäm teselliňizi
alansyňyz.
25 Waý halyňyza, eý, şu wagt doklar!
Çünki siz açlyk çekersiňiz.
Waý halyňyza, eý, şu wagt
gülýänler!
Çünki siz ýas tutup aglarsyňyz.
26 Ähli adamlar sizi taryplan
mahaly waý halyňyza!
Çünki ata-babalary-da galp
pygamberlere şeýle etdiler.

### *Duşmanlaryňyzy söýüň*
*(Matta 5:38-48; 7:12a)*

27 Emma, eý, Meni diňleýänler, size
şeýle diýýärin: duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň.
28 Özüňize gargaýanlar üçin ýagşylyk
diläň, özüňizi ynjadýanlar üçin Hudaýa
doga okaň. 29 Bir ýaňagyňa urana beý-
leki ýaňagyňy-da tut. Donuňy alandan
köýnegiňi hem gaýgyrma. 30 Saňa dileg
salana ber, özüňden bir zat alandan
yzyna sorama. 31 Adamlaryň özüňize
näme etmegini isleýän bolsaňyz, siz-de
olara şeýle ediň. 32 Siz özüňizi söýýänleri söýýän bolsaňyz, munuň bilen näme hormat gazanýarsyňyz? Günäkärlär-de özlerini söýýänleri söýýärler ahyryn.
33 Siz özüňize ýagşylyk edýänlere ýagşy-
lyk edýän bolsaňyz, munuň bilen näme hormat gazanýarsyňyz? Günäkärler-de
şeýle edýändirler. 34 Yzyna almak tama-
sy bilen karz berýän bolsaňyz, munuň bilen näme hormata mynasypsyňyz?

Günäkärler-de doly yzyna almak niýe-
ti bilen günäkärlere karz berýändirler.
35 Duşmanlaryňyzy söýüň, ýagşylyk ediň,
yzyna almasyz karz beriň. Şonda siziň
sylagyňyz uly bolup, Beýik Hudaýyň
ogullary bolarsyňyz, sebäbi Ol gadyr
bilmezlere-de, pislere-de mähirlidir.
36 Gökdäki Ataňyzyň rehimli bolşy ýa-
ly, siz-de rehimli boluň.

### *Başgalary ýazgarmaň*
*(Matta 7:1-5)*

37 Başgalary ýazgarmaň, şonda siz hem
ýazgarylmarsyňyz. Hiç kimi günäkär-
lemäň, şonda size-de günä ýöňkelmez.
Bagyşlaň, siz-de bagyşlanarsyňyz.
38 Beriň, size-de berler. Hyryn-dykyn
doldurylyp, pürepür edilip, gujagyňyzy
dolup-daşýan ölçeg bilen doldurylyp
berler. Haýsy ölçeg bilen ölçeseňiz, si-
ze-de şol ölçeg bilen ölçeler».

39 Isa olara bir tymsal hem aýdyp berdi:
«Kör köri idip bilermi? Ikisi hem çukura
gaçmazmy?! 40 Şägirt öz halypasyn-
dan üstün däldir, emma kämilleşensoň,
her kes öz halypasy ýaly bolar. 41 Näme
üçin sen doganyňyň gözündäki çöpi
görýärsiň-de, öz gözüňdäki agajy saý-
garmaýarsyň? 42 Nädip sen öz gözüňdäki
agajy görmän, doganyňa: „Dogan! Gel,
gözüňdäki çöpi çykaraýyn“ diýjek? Eý,
ikiýüzli, ilki öz gözüňdäki agajy çykar,
şonda doganyňyň gözündäki çöpi çykar-
mak üçin oňat saýgararsyň».

### *Agaç we onuň miwesi*
*(Matta 7:16-20,24-27; 12:33-35)*

43 «Oňat agajyň erbet miwe bermeýşi
ýaly, erbet agaç-da oňat miwe bermez.
44 Agaç öz miwesinden tanalýandyr.
Sebäbi ýandakdan injir, çalydan-da
üzüm ýygylýan däldir. 45 Ýagşy adam
ýüreginiň ýagşylyk hazynasyndan
ýagşylyk çykarýandyr, ýaman adam
ýüreginiň ýamanlyk hazynasyndan
ýamanlyk çykarýandyr. Ynsanyň dili ýü-
reginden joşanyny sözleýändir. 46 Näme
üçin Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb!“ diýip-de,
aýdanlarymy etmeýärsiňiz? 47 Meniň
ýanyma gelýän, sözlerimi eşidip, olary
berjaý edýän adamyň kime meňzeýän-
digini size beýan edeýin: 48 ol öý salmak
üçin ýeri çuň gazyp, onuň binýadyny
gaýanyň üstünde tutan adama meňzeýär.
Sil gelende, derýa joşup, bu öýe urulsa-
da, ony sarsdyryp bilmez, sebäbi ol berk
salnypdy [a]. 49 Emma Meniň sözlerimi
eşidip-de, berjaý etmedik kişi topragyň
üstünde binýatsyz öý salan adam ýalydyr.
Derýa joşup, ol öýe uran badyna, öý ýy-
kylar. Onuň dargaýşy-da gorkunç bolar».

## 7-nji bap

### *Ýüzbaşynyň imany*
*(Matta 8:5-13)*

1 Isa Özüni diňleýän halka bu sözleriň
ählisini aýdyp bolandan soň, Kapernaum
şäherine gitdi. 2 Bu ýerde bir ýüzbaşynyň
ezizläp hormatlaýan hyzmatkäri kesel-
läp, ölüm ýassygynda ýatyrdy. 3 Ýüzbaşy
Isa hakynda eşidende, öz hyzmatkärine
şypa bermegini sorap, Onuň ýanyna
birnäçe ýahudy ýaşulularyny iberdi.
4-5 Olar Isanyň ýanyna gelip, Oňa ýürek-
den ýalbaryp: «Bu adam Seniň kömek
etmegiňe mynasyp, sebäbi ol biziň hal-
kymyzy söýýär, hatda bize sinagoga hem
gurup berdi» diýdiler. 6 Şeýlelikde, Isa
olar bilen gitdi.

[a] **6:48** ***Sebäbi ol berk salnypdy*** – bu jümle käbir golýazmalarda *sebäbi onuň binýady ga-ýanyň üstünde tutulypdy* diýip duş gelýär.

Olar ýüzbaşynyň öýüne ýakynlaşanla-
rynda, ýüzbaşy dostlaryndan Oňa şeýle
habar iberdi: «Agam, azara galma, sebäbi
Seniň öýüme gelmegiňe men mynasyp
däl. 7 Şonuň üçin hem men özümi Seniň
ýanyňa barmaga mynasyp saýmadym.
Diňe birje söz aýtsaň bes, meniň hyz-
matkärim sagalar. 8 Men hem buýruk
astyndaky adamdyryn, ygtyýarymda
esgerlerim bar. Birisine „Git“ diýsem
gidýär, başgasyna „Gel“ diýsem gelýär.
Hyzmatkärime „Şuny et!“ diýsem edýär».
9 Isa bu sözleri eşidip, ýüzbaşa haýran
galdy. Ol yzyna düşüp gelýän mähellä
tarap öwrülip: «Size şuny aýdaýyn: Men
hatda Ysraýylda-da şeýle beýik ima-
ny görmedim» diýdi. 10 Onsoň iberilen
adamlar yzyna öwrülip baranlarynda,
hyzmatkär sagalan eken.

### *Isa dul aýalyň ogluny direldýär*

11 Mundan biraz soňra Isa Naýin di-
ýen şähere gitdi. Şägirtleri bilen uly
mähelle hem Onuň yzyna düşüp gitdi.
12 Isa şäher derwezesine golaýlan wagty
bir dul aýalyň ýalňyz ogluny jaýlamaga
alyp barýan ekenler. Şäherden gelen uly
mähelle hem bu aýalyň ýanyndady. 13 Reb
Isa bu aýaly görüp, oňa ýüregi awady.
Ol aýala: «Aglama!» diýdi.
14 Onsoň Isa baryp, tabyda elini degir-
di, ony göterip barýanlar saklandylar.
Isa: «Eý, ýaş ýigit, saňa diýýärin, tur!»
diýdi. 15 Şonda merhum turup, geple-
mäge başlady. Isa ony ejesine gaýtaryp
berdi. 16 Hemmeleri gorky basdy. Olar:
«Aramyzda beýik bir pygamber peýda
boldy!», «Hudaý Öz halkyna nazar sal-
dy» diýip, Hudaýy şöhratlandyrdylar.
17 Isa baradaky bu habar tutuş Ýahudyýa
we daş-töwerekdäki etraplara ýaýrady.

### *Isa bilen Ýahýa çümdüriji*
*(Matta 11:2-19)*

18-19 Ýahýanyň şägirtleri bu wakalaryň
baryny oňa gürrüň berdiler. Ýahýa olar-
dan ikisini ýanyna çagyryp: «Gelmeli
Şol Senmi ýa-da biz başga birine garaş-
malymy?» diýip, Reb Isadan soramak
üçin olary iberdi. 20 Olar Isanyň ýanyna
gelip: «Bizi Ýahýa çümdüriji iberdi. Ol
Senden: „Şol gelmeli Mesih Senmi ýa-da
biz başga birine garaşmalymy?“ diýip
soraýar» diýdiler.
21 Şol wagtlar Isa köp keselleri, has-
salary, erbet ruh eýelänleri bejeripdi,
ençeme körleriň gözlerini açypdy.
22 Şunlukda, Isa habarçylara: «Baryň-
da, görüp-eşidenleriňizi Ýahýa habar
beriň. Körler görýär, agsaklar ylga-
ýar, deri keselliler tämizlenýär, kerler
eşidýär, ölüler direlýär, garyplara Hoş
Habar wagyz edilýär. 23 Menden ýüz
döndermedik adam bagtlydyr!» diýip
jogap berdi.
24 Ýahýanyň ilçileri gidenden soň, Isa
mähellä Ýahýa barada gürrüň bermäge
başlady: «Çöle näme görmäge gitdiňiz?
Şemala yranýan ýylgynymy? 25 Ýeri,
näme görmäge gitdiňiz? Nepis eşikler
geýen adamymy? Emma gymmatbahaly
lybaslara beslenip, şady-horramlykda
ýaşaýanlar şa köşklerindedir. 26 Ýe-
ri, siz näme görmäge gitdiňiz? Bir
pygamberimi? Hawa, Men size şuny
aýdýaryn, ol gören kişiňiz hatda py-
gamberden hem artykdyr. 27 „Öňüňden
ýol taýýarlar ýaly, ine, Men Öz weki-
limi iberýärin“ diýip ýazylan sözler
hem hut şoňa degişlidir. 28 Size şuny
aýdýaryn, aýaldan doglanlaryň ara-
synda Ýahýadan beýigi ýokdur, emma

**7:27** Mal 3:1.

Hudaýyň Şalygynda iň kiçisi hem
ondan beýikdir». 29 Ähli halk, hatda
salgyt ýygnaýjylar hem Ýahýanyň söz-
lerini eşidip, Ýahýa tarapyndan suwa
çümdürilmek bilen Hudaýyň ýolunyň
dogrudygyny tassykladylar. 30 Emma
fariseýlerdir Töwrat mugallymlary Ýah-
ýa tarapyndan suwa çümdürilmekden
boýun gaçyrmak bilen Hudaýyň öz-
leri üçin niýetlän maksadyndan ýüz
öwürdiler. 31 Isa sözüni dowam etdir-
di: «Men bu nesli kime meňzedeýin?
Olar kime meňzeýär? 32 Olar bazarda
oturyp, biri-birilerine: „Size tüýdük
çaldyk, tans etmediňiz; agy aýtdyk,
aglamadyňyz“ diýip gygyrýan çagalara
meňzeýärler. 33 Ine, Ýahýa çümdüriji
geldi, ol iýenogam, içenogam. Siz bolsa
oňa „jynly“ diýýärsiňiz. 34 Ynsan Ogly
geldi, Ol iýýärem, içýärem, siz Oňa:
„Ine, bu horana, arakhora serediň! Ol
salgytçylar we günäkärler bilen dost
boldy!“ diýýärsiňiz. 35 Emma dana-
lygyň hakdygy onuň zürýatlarynyň
ähli̇si tarapyndan tassyklanar».

### *Günäli aýal Isa ýag çalýar*

36 Bir gün fariseýlerden biri Isany
nahara çagyrdy. Ol hem fariseýiň
öýüne baryp, saçak başynda oturdy.
37 Şol şäherde günäkär bir aýal bardy.
Ol aýal Isanyň fariseýiň öýünde na-
harlanýandygyny bilip, çüýşe gapda
hoşboý ysly ýag getirdi. 38 Aýal Isanyň
öňünde dyzyna çöküp aglap, gözýaş-
lary bilen Onuň aýaklaryny ýuwmaga
başlady. Soňra aýaklaryny saçy bilen
süpürip öpdi we hoşboý ysly ýag çaldy.
39 Isany çagyran fariseý muny görüp:
«Eger bu adam pygamber bolýan bol-
sa, Özüni elleýän aýalyň kimdigini,
nähilidigini bilerdi. Bu aýal günäkär
ahyryn» diýip, içini gepletdi. 40 Munuň
üçin Isa oňa: «Simun, Meniň saňa
aýtmaly zadym bar» diýdi. Ol hem:
«Aýdyber, Mugallym» diýdi. 41 «Bir
adam iki adama karz pul beripdir:
birine – bäş ýüz kümüş teňňe, beýle-
kisine – elli kümüş teňňe. 42 Bergisini
bermäge hiç pullarynyň ýokdugy üçin,
ol bularyň ikisiniň hem bergisini ge-
çipdir. Munuň üçin olaryň haýsysy
ony has köp söýer?» 43 Simun: «Meniň
pikirimçe, bergisi köp geçilen adam»
diýip jogap berdi. Isa: «Dogry pikir
etdiň» diýdi.
44 Onsoň Isa aýala tarap öwrülip, Si-
muna şeýle diýdi: «Bu aýaly görýäňmi?
Men seniň öýüňe geldim, sen bolsa
aýaklarymy ýuwmaga suw-da berme-
diň, emma bu aýal aýaklarymy gözýaşy
bilen ýuwup, saçy bilen süpürdi. 45 Sen
Meni öpmediň, emma bu aýal Men öýe
girenimden bäri aýaklarymy öpüp otyr.
46 Sen başyma ýag çalmadyň, emma bu
aýal aýaklaryma hoşboý ysly ýag çaldy.
47 Şonuň üçin hem Men saňa aýdýaryn:
bu aýalyň köp günäleri bagyşlanandyr.
Çünki onuň söýgüsi köpdür. Günäle-
ri az bagyşlananlaryň bolsa söýgüsi
azdyr». 48 Onsoň Isa ol aýala: «Seniň
günäleriň geçildi» diýdi. 49 Isa bilen
bir saçakda oturanlar öz aralarynda:
«Günäleri-de bagyşlaýan bu kimkä?»
diýişmäge başladylar. 50 Isa bolsa aýa-
la: «Seni imanyň halas etdi, arkaýyn
gidiber» diýdi.

## 8-nji bap

### *Ekin tymsaly*
*(Matta 13:1-23; Mark 4:1-20)*

1 Bu wakadan soňra Isa şäherleri
we obalary aýlanyp, Hudaýyň Şa-
lygy baradaky Hoş Habary wagyz
etmäge başlady. On iki şägirdi hem

Onuň ýanyndady. 2-3 Şeýle hem, erbet
ruhlardan we kesellerden halas bolan
birnäçe aýallar, içinden ýedi arwah-
jyn çykan magdalaly Merýem hem-de
Hirodyň öýüni dolandyrýan Huzanyň
aýaly Ýowanna, Suzanna, başga-da
birtopar aýallar Isanyň ýanyndady.
Bu aýallar öz emläkleri bilen olara
kömek edýärdiler.
4 Uly bir mähelle üýşüp, ähli şäher-
lerden adamlar Isanyň ýanyna geldi.
Şonda Isa olara şu tymsaly gürrüň ber-
di: 5 «Bir daýhan ekin ekmäge çykýar.
Ekip ýörkä, tohumlaryň birnäçesi ýoluň
üstüne düşüp, aýak astynda depelenýär
we guşlar gelip, ony çokýarlar. 6 Birnäçe
tohum daşly ýere düşýär. Olar gögeren
badyna suwsuzlykdan gurap gidýärler.
7 Birnäçesi tikenekligiň arasyna düşýär.
Tohum bilen gögeren tikenler olary
basýar. 8 Birnäçesi-de gowy topraga
düşýär. Olar gögerip çykyp, her biri
ýüz esse hasyl berýär». Bulary gürrüň
berenden soň, Isa: «Eşitmäge gulagy
bar adam eşitsin!» diýip gygyrdy. 9 Şä-
girtleri Ondan: «Bu tymsalyň manysy
näme?» diýip soradylar. 10 Ol şeýle diý-
di: «Hudaýyň Şalygynyň syrlaryna
düşünme ukyby size berildi, emma
başgalar seredip görmesinler, eşidip
düşünmesinler diýip, olara tymsallar
arkaly aýdylýar. 11 Tymsalyň manysy
şeýle: tohum Hudaýyň sözüdir. 12 Ýo-
luň üstüne düşen däneler sözi eşidýän
adamlardyr. Emma şeýtan gelip, iman
getirmesinler, halas bolmasynlar diýip,
olaryň kalbyndan sözi sogrup alýar.
13 Daşly ýere düşenler bolsa sözi eşi-
denlerinde, şatlyk bilen kabul edýän
adamlardyr. Ýöne olarda kök ýokdur.
Olar az wagtlaýyn iman edip, synag
wagty imandan dänýärler. 14 Tike-
nekligiň arasyna düşenler bolsa sözi
eşidýänlerdir, emma durmuşyň alada-
lary, baýlyklary, keýpi-sapasy olary
barha bogýar, olar hasyl bermeýärler.
15 Gowy topraga düşenler bolsa, sözi
eşidip, ony ýagşy hem päk ýürekde
saklaýanlardyr. Olar çydamlylyk bilen
miwe berýändirler.

### *Çyra tymsaly*
*(Mark 4:21-25)*

16 Hiç kim çyrany ýakyp, onuň üs-
tüni gap bilen örtýän däldir ýa-da ony
çarpaýanyň aşagynda goýýan däldir.
Gaýtam, içeri girenler yşygy görer ýa-
ly, ony çyradanyň üstünde goýýandyr.
17 Elbetde, üsti açylmajak gizlin zat, bi-
linmejek, mese-mälim bolmajak ýaşyryn
zat ýokdur. 18 Şonuň üçin hem nähili
diňleýändigiňize üns beriň. Kimde bar
bolsa, oňa ýene berler, ýöne kimde ýok
bolsa, özüniňki hasap edýän zady hem
elinden alnar».

### *Isanyň ejesi we inileri*
*(Matta 12:46-50; Mark 3:31-35)*

19 Isanyň ejesi bilen inileri Ony gör-
mäge geldiler, emma üýşen mähelleden
ýaňa Onuň ýanyna girip bilmediler.
20 Oňa: «Ejeň bilen doganlaryň Seni
görmek üçin daşarda garaşyp durlar»
diýip habar berdiler. 21 Emma Isa: «Me-
niň ejem, doganlarym – Hudaýyň sözüni
diňläp, ony berjaý edýänlerdir» diýip
jogap berdi.

### *Isa tupany ýatyrýar*
*(Matta 8:23-27; Mark 4:35-41)*

22 Bir gün Isa şägirtleri bilen bir gaýy-
ga münüp, olara: «Geliň, kölüň beýleki
tarapyna geçeliň» diýdi. Şeýdip, olar
ýola düşdüler. 23 Olar gaýykda ýüzüp
barýarkalar, Isa uka gitdi. Kölde bir-
den güýçli tupan turdy. Gaýyk suwdan

dolup başlady, olar howply ýagdaýa
düşdüler. 24 Şägirtler baryp, Isany oýa-
ryp: «Halypa! Halypa, biz heläk bolup
barýarys!» diýdiler. Isa turup, ýele hem
möwç alýan tolkunlara käýedi. Tupan
ýatyp, doly imisalalyk aralaşdy. 25 Isa
şägirtlerine: «Siziň imanyňyz hany?»
diýip sorady. Olar bolsa gorkuşyp hem
geň galyp, biri-birlerinden: «Bu Adam
kimkä? Ol ýele hem suwa buýruk berýär,
olar-da Oňa gulak asýar!» diýişdiler.

### *Isa arwah-jyn eýelän adamy sagaldýar*
*(Matta 8:28-34; Mark 5:1-20)*

26 Olar Jeliläniň garşysynda ýerleşýän
gerasalylaryň [a] ýurduna geldiler. 27 Isa
kenarda gaýykdan düşende, Oňa ar-
wah-jyn eýelän bir adam gabat geldi. Ol
adam köpden bäri hiç hili egin-eşik geý-
meýärdi, öýünde ýaşaman, mazarlaryň
arasynda ýaşaýardy. 28 Ol Isany görende,
gygyryp goýberdi. Onuň öňünde ýere
ýüzin ýykylyp, batly ses bilen: «Eý, Isa,
Beýik Hudaýyň Ogly! Meniň bilen nä-
me işiň bar? Ýalbarýan, meni gynama»
diýdi. 29 Çünki Isa arwah-jyna ol adam-
dan çykmagy buýrupdy. Arwah-jyn ony
ýygy-ýygydan tutýardy. Munuň üçin ol
adamy zynjyrlap, gandallap saklardylar,
emma ol zynjyrlaryny gyryp taşlardy,
arwah-jyn ony çöllere äkiderdi. 30 Isa
ondan: «Adyň näme?» diýip sorady. Ol
hem: «Adym Goşun [b]» diýip jogap ber-
di, sebäbi oňa san-sajaksyz arwah-jyn
giripdi. 31 Arwah-jynlar özlerine dow-
zaha gitmegi buýurmasyn diýip, Isa
ýalbardylar. 32 Şol ýerdäki dagyň etegin-
de ullakan bir doňuz sürüsi otlap ýördi.
Arwah-jynlar doňuzlaryň içine girmäge
rugsat etmegini sorap, Isa ýalbardylar. Ol
hem rugsat etdi. 33 Olar ýaňky adamdan
çykyp, doňuzlara girdiler. Şondan soň sü-
ri uçutdan aşak zyňyp, kölde paýyrdaşyp
gark boldy. 34 Bolan zady görenlerinde,
çopanlar gaçyp, şäherdir obalara muny
habar berdiler. 35 Halk bolan wakany
görmek üçin geldi. Olar Isanyň ýanyna
gelenlerinde, içinden arwah-jyn çykan
adamyň geýnip, Isanyň aýagujunda otu-
randygyny, akylynyň hem ýerindedigini
görüp gorkdular. 36 Bu wakany görenler
bolsa, olara arwah-jyn eýelän adamyň nä-
hili sagalandygy barada gürrüň berdiler.
37 Onsoň ähli gerasalylar we şol sebitiň
ilaty Isadan öz ýanlaryndan gitmegini
haýyş etdiler, sebäbi olary uly gorky
gaplap alypdy. Isa hem gaýyga münüp,
yzyna gaýtdy. 38 Arwah-jyndan halas
bolan adam Isa gitmezden öň Ondan Özi
bilen gitmäge rugsat sorap ýalbardy. 39 Isa
bolsa: «Bar, öýüňe gaýt, Hudaýyň saňa
nämeler edendigini gürrüň ber» diýip,
ony ugratdy. Ol hem gidip, Isanyň özüne
edenlerini tutuş şähere jar etdi.

### *Direlen gyz, sagalan aýal*
*(Matta 9:18-26; Mark 5:21-43)*

40 Isa yzyna dolanyp gelende, halk Ony
gyzgyn garşylady, sebäbi hemmeler
Oňa garaşýardy. 41 Şol wagt sinagoga
ýolbaşçylaryndan Ýaýrus atly bir adam
gelip, Isanyň aýagyna ýykyldy we Ondan
öýüne barmagyny haýyş etdi. 42 Munuň
sebäbi onuň on iki ýaşlaryndaky ýekeje
gyzy ölüm ýassygynda ýatyrdy. Isa ol
ýere gidip barýarka, mähelle Ony her
ýandan gysyp-gowrup barýardy. 43 Mä-
helläniň içinde on iki ýyldan bäri gan
akma keselli bir aýal hem bardy. Ol hiç

[a] **8:26** ***Gerasalylar*** – käbir golýazmalarda *gadaralylar*. Seret: Mat 8:28.
[b] **8:30** ***Goşun*** – grekçe *Legion*. Bu söz alty müň esgerli goşuny aňladýar.

zatdan haýyr tapmandy[a]. 44 Ol Isanyň
arka tarapyndan baryp, Onuň donunyň
syýyna elini degirdi welin, şobada gan
akmasy kesildi. 45 Isa: «Maňa kim elini
degirdi?» diýip sorady. Hiç kim boýun
almady. Şonda Petrus[b]: «Halypa! Halk
daşyňy alyp, Seni gysyp-gowrup barýar,
Sen bolsa: „Maňa kim elini degirdi?“
diýýärsiň» diýdi. 46 Emma Isa: «Maňa bi-
ri elini degirdi, sebäbi Men Özümden bir
güýjüň çykanyny duýdum» diýdi. 47 Aýal
eden işiniň mundan aňry gizlin galma-
jakdygyny bilensoň, titräp gelip, Isanyň
aýagyna ýykyldy. Ähli halkyň öňünde
özüniň näme üçin Isa elini degrendigini,
şobada hem şypa tapandygyny gürrüň
berdi. 48 Isa oňa: «Eý, naçar, imanyň sa-
ňa şypa berdi. Arkaýyn gidiber» diýdi.
49 Isa bu sözleri aýdyp durka, sinagoga
baştutanynyň öýünden gelen bir adam
Ýaýrusa: «Gyzyň öldi. Mugallymy ar-
tykmaç biynjalyk etme» diýdi. 50 Emma
Isa muny eşidip, oňa: «Gorkma, diňe
iman et, gyzyň gutular» diýdi. 51 Isa onuň
öýüne gelende, Petrus, Ýohanna, Ýakup
we gyzyň ene-atasyndan başga hiç kime
Özi bilen içeri girmäge rugsat etmedi.
52 Hemmeler aglaşyp, ýas tutup otyrdylar.
Emma Isa: «Aglamaň, ol ölenok, uklap
ýatyr» diýdi. 53 Adamlar gyzyň ölendi-
gini bilýändikleri üçin Onuň üstünden
güldüler. 54 Emma Isa hemmäni daşary
kowup, gyzyň elinden tutdy-da, gygy-
ryp: «Gyzym, tur!» diýdi. 55 Gyza jan
girip, ol şobada ýerinden turdy. Onsoň
Isa gyza nahar bermeklerini buýurdy.
56 Gyzyň ene-atasy haýran galdy. Isa
bolsa olara bolup geçen hadysany hiç
kime aýtmazlygy tabşyrdy.

## 9-njy bap

### *Isa şägirtlerini halkyň arasyna iberýär*

*(Matta 10:5-15; Mark 6:7-29)*

1 Isa on iki şägirdini ýanyna çagy-
ryp, olara ähli arwah-jynlary kowmaga,
her dürli keselleri bejermäge güýç we
ygtyýar berdi. 2 Onsoň olary Hudaýyň Şa-
lygyny wagyz etmäge we hassalara şypa
bermäge iberdi. 3 Isa olara: «Ýol üçin hiç
zat almaň: ýanyňyzda ne hasa, ne torba,
ne çörek, ne pul, ne artykmaç eşik – hiç
zat bolmasyn. 4 Haýsy öýe girseňiz, tä ol
şäherden çykyp gaýdýançaňyz, şol öýde
boluň. 5 Eger adamlar sizi kabul etmeseler,
olaryň şäherinden çykyp gaýdanyňyzda,
olara garşy şaýatlyk hökmünde aýagyňy-
zyň tozuny kakyň» diýdi. 6 Şeýdip, olar
ýola düşdüler, her bir baran ýerinde Hoş
Habary wagyz edip, hassalary sagaldyp,
obama-oba aýlandylar.
7 Şol wagt Hirod han bolan wakalaryň
baryny eşidip, gaty aljyrady. Sebäbi käbir
adamlar: «Ýahýa direlipdir!» diýýärdi-
ler. 8 Käbirleri: «Ylýas peýda bolupdyr!»,
başga birileri hem: «Gadymy pygam-
berleriň biri direlipdir!» diýişýärdiler.
9 Hirod bolsa: «Men Ýahýanyň başyny
çapdyrdym, onda bu adam kimkä? Ol
hakda üýtgeşik habarlar eşidýän» diýdi.
Ol Isany görmäge jan etdi.

### *Isa bäş müň adamy doýurýar*

*(Matta 14:13-21; Mark 6:30-44; Ýohanna 6:1-14)*

10 Resullar yzyna gelensoň, öz eden
işlerini Isa habar berdiler. Ol hem olary

[a] **8:43** ***Ol hiç zatdan haýyr tapmandy*** – käbir golýazmalarda *Ol bary-ýoguny lukmanlara sarp edip, hiç zatdan haýyr tapmandy.*

[b] **8:45** Käbir golýazmalarda *Petrus bilen ýanyndakylar.*

ýanyna alyp, Betsaýda diýen şähere git-
di [a]. 11 Emma mähelle muny bilip, Onuň
yzyndan bardy. Ol hem olary oňat gar-
şylap, Hudaýyň Şalygy hakda gürrüň
berdi we şypa mätäç adamlary sagaltdy.
12 Gün ýaşyp barýarka, Onkiler Isanyň
ýanyna gelip: «Bu mähelläni goýber, tö-
werekdäki obalara gidip, ýatara ýer we
azyk tapsynlar, sebäbi biz bir çola ýerde
ahyry» diýdiler. 13 Emma Isa: «Olara iý-
mäge zady siz beriň» diýdi. Olar hem:
«Biz munça mähelle üçin iýmit satyn
almaga gidelimi? Biziň bäş çörek bilen
iki balykdan başga zadymyz ýok ahy-
ry» diýdiler. 14 Ol ýerde bäş müňe golaý
erkekler bardy. Emma Isa şägirtlerine:
«Olary elli-elliden topar-topar edip otur-
dyň» diýip tabşyrdy. 15 Olar hem şeýle
edip, hemmeleri oturtdylar. 16 Isa bolsa
bäş çörek bilen iki balygy alyp, gözle-
rini göge dikip şükür etdi. Soňra bulary
halka paýlar ýaly bölüşdirip şägirtlerine
berdi. 17 Hemmeler iýip doýdular, artyp
galan çörek böleklerini ýygnap, on iki
sebedi doldurdylar.

### *Petrus Isanyň Mesihdigini ykrar edýär*
*(Matta 16:13-28; Mark 8:27–9:1)*

18 Bir gün Isa ýekelikde Hudaýa doga
okaýardy, şägirtleri hem Onuň ýanyn-
dady. Isa olardan: «Halk Maňa kim
diýýär?» diýip sorady. 19 Olar: «Käbir-
leri Ýahýa çümdüriji, käbirleri Ylýas,
başga birileri bolsa gadymy pygamber-
lerden biri direlipdir diýýär» diýip jogap
berdiler. 20 Isa olardan: «Siz Maňa kim
diýýärsiňiz?» diýip sorady. Petrus: «Sen
Hudaýyň Mesihisiň» diýip jogap berdi.
21 Isa bolsa muny hiç kime aýtmazlygy
olara berk tabşyrdy.

### *Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar*
*(Matta 16:20-28; Mark 8:30–9:1)*

22 Onsoň Isa sözüni dowam edip:
«Ynsan Ogly köp görgi görmeli, ýaşu-
lular, ýolbaşçy ruhanylar we Töwrat
mugallymlary tarapyndan ret edilmeli,
öldürilmeli we üçülenji gün direlmelidir»
diýdi. 23 Isa olaryň hemmesine şeýle
diýdi: «Kim Meniň yzyma eýermek
isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, her
gün haçyny alyp, yzyma düşsün. 24 Kim
janyny halas etmek islese, ony ýitirer,
ýöne kim janyny Meniň ugrumda ýitirse,
ony halas eder. 25 Ynsan tutuş dünýäni ga-
zanybam, janyndan mahrum bolsa, oňa
näme peýdasy bar? 26 Kim Menden we
Meniň sözlerimden utansa, Ynsan Og-
ly-da Özüniň, Atasynyň we mukaddes
perişdeleriň şöhraty bilen gelen mahaly
ondan utanar. 27 Emma size dogrusyny
aýdýaryn: bu ýerde duranlaryň käbiri
ölmezden öň Hudaýyň Şalygynyň gel-
ýänini görerler».

### *Isanyň keşbi üýtgeýär*
*(Matta 17:1-8; Mark 9:2-8)*

28 Bu sözleri aýdanyndan sekiz gün
geçensoň, Isa Petrusy, Ýohannany we
Ýakuby ýanyna alyp, Hudaýa doga
okamak üçin daga çykdy. 29 Doga okap
otyrka, Onuň ýüz keşbi üýtgäp, egin-
başy lowurdap ap-ak boldy. 30 Ine, iki
adam Onuň bilen gürrüňleşip durdy.
Bu Musa bilen Ylýasdy. 31 Olar şöhrat
içinde peýda bolup, Isanyň dünýäden
alynmaly pursady barada gürrüň ed-
ýärdiler. Bu pursat Iýerusalimde amala
aşmalydy. 32 Petrus bilen onuň ýanynda-
kylary uky basmarlaýardy, emma olar

[a] **9:10** ***Betsaýda diýen şähere gitdi*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Betsaýda diýen şäheriň golaýynda bir çola ýere çekildi* diýip duş gelýär.

ukudan açylyp, Isanyň şöhratyny hem
Onuň ýanynda duran iki adamy gördüler.
33 Musa bilen Ylýas Isanyň ýanyndan aý-
rylyp barýarkalar, Petrus näme diýýänini
özi-de bilmän, Oňa: «Halypa! Bize bu
ýerde bolmak ýakymly, üç çadyr dikeli:
biri – Saňa, biri – Musa, biri – Ylýasa»
diýdi. 34 Petrus bulary aýdyp durka, bir
bulut gelip, olaryň üstüni örtdi. Özlerini
bulut gurşap alanda, olar gaty gorkdular.
35 Bulutdan: «Bu Meniň Oglumdyr, Saý-
lap-seçenimdir! [a] Oňa gulak asyň» diýen
bir owaz geldi. 36 Bu ses kesilen wagty,
Isa ýeke galdy. Şägirtler bolsa dymyp,
gören zatlary barada şol günlerde hiç
kime gürrüň bermediler.

### *Isa arwah-jyn eýelän oglany sagaldýar*

*(Matta 17:14-18; Mark 9:14-27)*

37 Şol günüň ertesi dagdan aşak düşen
wagty, bir uly mähelle Isany garşy-
lady. 38 Mähelläniň içinden bir adam
gygyryp, şeýle diýdi: «Mugallym! Ýal-
barýan, meniň ogluma nazaryňy sal,
ol meniň ýalňyz çagam. 39 Ine, ony bir
arwah-jyn eýeleýär, ol birden çygyryp
başlaýar. Ol ruh onuň agzyndan ak
köpük gelýänçä silterleýär, ýer bilen
ýegsan edip, ondan zordan aýrylýar.
40 Şägirtleriňe ony çykaryp ber diýip
ýalbardym, emma olar başarmady-
lar». 41 Isa: «Eý, ýoldan çykan, imansyz
nesil! Men haçana çenli siziň bilen
bolup, size çydaýyn? Ogluňy bärik
getir» diýdi. 42 Çaga Isanyň ýanyna
gelýärkä, arwah-jyn ony ýere urup,
köp silterledi. Emma Isa arwah-jy-
na käýäp, çagany sagaldyp, atasyna
gowşurdy. 43 Hemmeler Hudaýyň be-
ýikdigine haýran galdy.

### *Isa ölüp direljegini ýene aýdýar*

*(Matta 17:22,23; Mark 9:30-32)*

Hemmeler Isanyň eden işlerine geň
galdy. Isa Öz şägirtlerine: 44 «Bu sözler
gulagyňyzda galsyn: Ynsan Ogly ynsan-
laryň eline tabşyrylar» diýdi. 45 Emma
olar bu söze düşünmediler. Bu sözüň
manysy olar üçin gizlin bolup galdy, olar
bu barada Isadan soramaga-da gorkdular.

### *Iň beýik kim?*

*(Matta 18:1-5; Mark 9:33-37)*

46 Şägirtleriň arasynda olardan kimiň
iň beýikdigi barada jedel ýüze çykdy.
47 Isa olaryň ýüregindäki pikiri aňyp, bir
çagany aldy-da, ýanynda duruzdy. 48 On-
soň olara: «Kim şunuň ýaly bir çagany
Meniň adymdan kabul etse, Meni kabul
etdigidir. Meni kabul eden bolsa, Meni
Ibereni kabul edýändir. Araňyzda kim
hemmeden pes bolsa, iň beýik şoldur»
diýdi. 49 Ýohanna Isa ýüzlenip: «Haly-
pa! Biz Seniň adyň bilen arwah-jynlary
çykarýan bir adamy gördük, ýöne onuň
biziň bilen bile däldigi üçin, ony tog-
tatmak isledik» diýdi. 50 Isa oňa: «Ony
togtatmaň! Kim size garşy bolmasa, ol
siziň tarapyňyzdadyr» diýdi.

### *Samariýalylar Isa garşy bolýarlar*

51 Göge alynmaly mahaly golaýlan-
da, Isa Iýerusalime gitmegi ýüregine
düwüp, ýola düşdi. 52 Ol Özünden öň
birnäçe ilçini ýollady. Olar hem Onuň
gelerine taýýarlyk görmek üçin, samari-
ýalylaryň bir obasyna girdiler. 53 Emma
samariýalylar Isany kabul etmediler,
sebäbi Onuň ugry Iýerusalime tarapdy.
54 Isanyň şägirtleri Ýakup bilen Ýohanna
muny görüp, Ondan: «Eý, Agam! Olary

[a] **9:35** ***Saýlap-seçenimdir*** – käbir golýazmalarda *söýgülimdir.*

ýok etmek üçin gökden ot ýagdyrmagy-
myzy isleýärsiňmi?[a]» diýip soradylar.
55-56 Emma Isa öwrülip, olara käýedi[b].
Onsoň olar başga oba gitdiler.

***Isanyň yzyna eýermek***
*(Matta 8:19-22)*

57 Ýolda barýarkalar, bir adam Isa:
«Nirä gitseň[ç], men hem Seniň yzyňa
düşjek» diýdi. 58 Isa oňa: «Tilkileriň sü-
reni, guşlaryň höwürtgesi bardyr, ýöne
Ynsan Oglunyň başyny goýara-da ýeri
ýokdur» diýdi. 59 Başga birine: «Meniň
yzyma düş» diýdi. Emma ol: «Agam,
rugsat et, öňürti gidip, kakamy jaýlaýyn»
diýdi. 60 Emma Isa oňa: «Goý, ölüleri-
ni ölüleriň özleri jaýlabersinler, ýöne
sen git-de, Hudaýyň Şalygyny wagyz
et» diýdi. 61 Ýene birisi: «Agam! Seniň
yzyňa düşeýin, ýöne rugsat ber, öňürti
maşgalam bilen hoşlaşaýyn» diýdi. 62 Isa
oňa: «Eline azaly alansoň yzyna sered-
ýän adam Hudaýyň Şalygyna mynasyp
däldir» diýdi.

## 10-njy bap

***Isa ýetmiş iki şägirdi iberýär***

1 Şundan soň Reb Isa başga ýetmiş
iki[d] adamy belläp, olary Özüniň git-
mekçi bolýan ähli şäherlerine, ýerlerine
iki-ikiden öňünden ýollady. 2 Olara şeýle
diýdi: «Hasyl bol, ýöne işgär az. Şonuň
üçin hem hasylyny ýygmaga işgär iberer
ýaly, hasyl eýesi Rebbe ýalbaryň. 3 Gidiň!
Ine, Men sizi möjekleriň arasyna guzular
kimin ýollaýaryn. 4 Ýanyňyza gapjyk-da,
torba-da, çaryk-da almaň. Ýolda hiç kim
bilen salamlaşmaň. 5 Haýsy öýe barsaňyz,
öňürti: „Öýüňiz abadan bolsun!“ diýiň.
6 Ol öýde parahatlygy söýýän adam bar
bolsa, siziň dilän parahatlygyňyz onuň
üstüne iner, ýok bolsa-da, ýene özüňize
dolanar. 7 Ol öýde galyp, olaryň beren-
lerini iýip-içiň, sebäbi işçi öz hakyna
mynasypdyr. Öýden-öýe göçüp ýörmäň.
8 Bir şähere baranyňyzda, kabul edilseňiz,
öňüňizde näme goýulsa, şony iýiň. 9 Ol
ýerdäki hassalara şypa beriň we olara:
„Hudaýyň Şalygy size golaýlady!“ diýiň.
10 Emma başga bir şähere baranyňyzda,
kabul edilmeseňiz, onuň köçelerine
çykyň-da, olara: 11 „Şäheriňizde aýa-
gymyza ýapyşan tozany-da size garşy
kakýarys. Emma şuny biliň: Hudaýyň
Şalygy golaýlandyr!“ diýiň. 12 Size aýd-
ýaryn: kyýamat güni ol şäheriň ýagdaýy
Sodom şäheriniň ýagdaýyndan has beter
bolar. 13 Dat günüňe, eý, Horazin! Dat
günüňe, eý, Betsaýda! Sizde görkezilen
gudratlar Sur bilen Sidonda görkezilen
bolsady, onda olar bireýýäm jul geýnip,
kül üstünde oturyp toba ederdiler. 14 Em-
ma kyýamat güni siziň ýagdaýyňyz Sur
bilen Sidonyň ýagdaýyndan has beter
bolar! 15 Eý, Kapernaum! Sen arşa göte-
rilerin öýdýärsiňmi? Ýok, sen dowzaha
taşlanarsyň. 16 Sizi diňlän Meni diňlär,
sizi ret eden Meni ret eder. Meni ret eden
bolsa Meni Ibereni ret eder».

[a] **9:54 *Gökden ot ýagdyrmagymyzy isleýärsiňmi?*** – käbir golýazmalarda *Ylýasyň edişi ýaly gökden ot ýagdyrmagymyzy isleýärsiňmi?*

[b] **9:55-56 *Olara käýedi*** – käbir golýazmalarda *olara käýäp, «Siz haýsy ruha degişlidigiňizi bilmeýärsiňiz. Çünki Ynsan Ogly adamlary ýok etmäge däl-de, olary halas etmäge gelendir» diýdi* diýen sözler hem bar.

[ç] **9:57 *Nirä gitseň*** – käbir golýazmalarda *Ýa Reb! Nirä gitseň.*

[d] **10:1 *Ýetmiş iki*** – käbir golýazmalarda *ýetmiş.*

17 Onsoň şol ýetmiş iki şägirt uly şatlyk
bilen dolanyp gelip: «Eý, Agam! Seniň
adyňy agzanymyzda, arwah-jynlar hem
bize boýun bolýarlar» diýdiler. 18 Isa
olara: «Men şeýtanyň gökden ýyldyrym
ýaly bolup aşak inenini gördüm. 19 Men
size ýylanlary, içýanlary we duşmanyň
ähli güýjüni depelemäge ygtyýar ber-
dim, hiç zat size zeper ýetirmez. 20 Şeýle
hem siz erbet ruhlaryň özüňize boýun
bolmagyna däl-de, atlaryňyzyň gökde
ýazylmagyna begeniň» diýdi. 21 Şol wagt
Isa Mukaddes Ruh arkaly şatlanyp: «Eý,
Atam, ýeriň we gögüň Hökümdary!
Seniň bu zatlary akyldarlardan, düşün-
jelilerden ýaşyryp, çagalara aýan edeniň
üçin Saňa şükür edýärin! Hawa, Atam,
bu Seniň islegiňdi.

22 Atam ähli zady Maňa tabşyrdy. Og-
ly Atadan başga hiç kim tanaýan däldir.
Atany-da Oguldan we Ogluň Ony aýan
etmek isleýän adamlaryndan başga hiç
kim tanaýan däldir» diýdi. 23 Soňra Isa
şägirtlerine ýüzlenip, olara aýratyn nyg-
tap: «Siziň görýän zatlaryňyzy görýän
gözler nähili bagtly! 24 Size şuny aýdýa-
ryn: köp pygamberler we patyşalar siziň
görýänleriňizi görmek islediler, emma
görmediler, siziň eşidýänleriňizi eşit-
mek islediler, emma eşitmediler» diýdi.

### *Oňat samariýaly*

25 Bir dindar Isany synamak üçin, ýe-
rinden turup: «Mugallym! Baky ýaşaýşy
miras almak üçin men näme etmeli?»
diýip sorady. 26 Isa onuň özüne sorag
bilen ýüzlenip: «Töwratda näme ýa-
zylgy? Sen muňa nähili düşünýärsiň?»
diýdi. 27 Ol adam: «Hudaýyňyz Rebbi
tutuş ýüregiňiz, ähli güýjüňiz we dü-
şünjäňiz bilen jan-tenden söýüň». Şeýle
hem: «Ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý»
diýdi. 28 Isa oňa: «Dogry jogap berdiň,
sen hem şeýle et, şonda ýaşarsyň» diýdi.
29 Emma ol özüni aklajak bolup, Isadan:
«Meniň ýakynym kim bolýar?» diýip
sorady. 30 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Bir
adam Iýerusalimden Ýeriho barýarka,
garakçylaryň eline düşýär. Olar onuň
eşiklerini sypyryp alýarlar-da, özünem
ýenjip, çalajan halda taşlap gidýärler.
31 Tötänlikde bir ruhany şol ýoldan bar-
ýarka, ol adamy görüp, ýoluň ol tarapy
bilen geçip gidýär. 32 Onsoň bir lewi-de
şol ýere ýeten wagty ony görüp, ýoluň
beýleki tarapy bilen geçip gidýär. 33 Şol
ýoldan geçip barýan bir samariýaly bol-
sa, bu adamy görüp, oňa ýüregi awaýar.
34 Onuň ýanyna baryp, zeýtun ýagy bilen
şerap guýup, ýaralaryny saraýar. On-
soň ol adamy öz eşegine mündürip, bir
myhmanhana getirip, oňa garaşyk edýär.
35 Şol günüň ertesi myhmanhananyň
eýesine iki kümüş teňňe çykaryp berip:
„Muňa gowuja seret, artykmaç çykdajy
etseň, yzyma gelýärkäm bererin“ diýýär.
36 Seniň pikiriňçe, bu üç adamyň haý-
sysy garakçylaryň eline düşen adamyň
ýakyny bolýar?» 37 Dindar: «Oňa rehim
eden adam» diýip jogap berdi. Isa hem
oňa: «Bar, sen-de şonuň ýaly et» diýdi.

### *Isa Marta bilen Merýemiň öýünde*

38 Isa bilen şägirtleri ýollaryny dowam
edip, bir oba ýetdiler. Isa oba girende,
Marta atly bir aýal Ony myhman aldy.
39 Bu aýalyň Merýem atly bir gyz do-
gany bardy. Ol Reb Isanyň alkymyna
baryp oturyp, Onuň sözlerini diňleýärdi.
40 Marta bolsa işleriniň köpdüginden
ýaňa başagaýdy. Ol Isanyň ýanyna
gelip: «Agam! Uýamyň meniň ýeke

**10:27** Kan 6:5; Lew 19:18.

özüme hyzmat etdirip oturmagy Seniň
perwaýyňa-da dälmi? Oňa aýt, maňa kö-
mekleşsin» diýdi. 41 Reb Isa oňa: «Wah,
Marta, Marta! Sen köp zatlar barada
aladalanyp başagaý bolýarsyň. 42 Diňe
bir zat gereklidir. Merýem iň oňadyny
saýlady we bu onuň elinden hiç alyn-
maz» diýip jogap berdi.

### 11-nji bap

***Isa halka doga-dileg öwredýär***
*(Matta 6:9-13; 7:7-11)*

1 Bir gün Isa Hudaýa doga okap otyrdy.
Ol muny gutaran wagty, şägirtleriniň biri
Oňa: «Agam, Ýahýanyň öz şägirtlerine
öwredişi ýaly, Sen hem bize Hudaýa do-
ga etmegi öwretsene» diýdi. 2 Isa olara
Hudaýa doga okanyňyzda şeýle diýiň:
«Eý, Atamyz[a], adyň mukaddes
bolsun!
Patyşalygyň gelsin![b]
3 Gündelik çöregimizi bize günde
ber.
4 Bize garşy günä edenleri
bagyşlaýşymyz ýaly,
Sen hem biziň günälerimizi
bagyşla.
Bizi synaga salma[ç]» diýdi.
5 Onsoň Isa olara şeýle diýdi: «Aýdaly,
siziň biriňiziň dostuňyz bar. Sen ýary-
gije şol dostuňyň ýanyna baryp: „Dost!
Maňa üç çörek karz bersene. 6 Uzak ýol-
dan ýakyn dostum geldi. Onuň öňünde
goýara zadym ýok“ diýip ýalbarýaňyz.
7 Şonda dostuň içerden: „Meni birahat
etme! Gapy birçak gulplandy, çagalarym,
hemmämiz uklap ýatyrys. Men turup,
saňa hiç zat berip biljek däl“ diýip jogap
berýär. 8 Size şuny aýdaýyn, ol adam
saňa çöregi dostlugyň hatyrasyna berme-
se-de, ony gününe goýman, erjellik bilen
soraberseň, islendik soran zadyňy berer.
9 Men size diýýärin: diläň, size berler;
agtaryň, taparsyňyz; gapyny kakyň, size
açylar. 10 Hawa, dilän alar, agtaran tapar,
gapy kakana açylar. 11 Sizden haýsy ata
ogly balyk dilände[d], balyga derek oňa
ýylan berer? 12 Ýa bolmasa ýumurtga
dilände, oňa içýan berer? 13 Şeýlelikde,
siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat
peşgeşler bermegi bilýän bolsaňyz, onda
gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere
Mukaddes Ruhy has-da köp bermezmi?»

***Isa we jynlaryň hökümdary***
*(Matta 12:22-30,43-45; Mark 3:20-27)*

14 Günleriň birinde Isa bir lal adamdan
arwah-jyny kowdy. Arwah-jyn çykan
badyna, lal adam geplemäge başlady,
halk muňa haýran galdy. 15 Emma ola-
ryň käbiri: «Ol arwah-jynlary jynlaryň
hökümdary Beýelzebul[e] arkaly kowup
çykarýar» diýdiler. 16 Beýlekiler hem
Ony synamakçy bolup, gökden bir gud-
ratly alamat görkezmegini talap etdiler.
17 Emma Isa olaryň pikirlerini bilip, şeýle
diýdi: «Içinde bölünişik bolan patyşalyk
dargar, öz içinden bölünen öý ýykylar.
18 Şeýtan öz içinden bölünse, heý-de,

---

[a] **11:2** ***Atamyz*** – käbir golýazmalarda *Göklerdäki Atamyz.*

[b] **11:2** Käbir golýazmalarda *Gökde bolşy ýaly, ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn* diýen jümle hem bar.

[ç] **11:4** Käbir golýazmalarda *bizi şeýtandan halas et* diýen jümle hem bar.

[d] **11:11** ***Balyk dilände*** – käbir golýazmalarda *çörek dilände, oňa daş berer? Ýa-da balyk dilände.*

[e] **11:15** ***Beýelzebul*** – şeýtanyň beýleki ady. Sözlüge seret.

patyşalygy durarmy? Muny siziň Maňa
arwah-jynlary Beýelzebul arkaly kowýar
diýýäniňiz üçin aýdýaryn. 19 Men ar-
wah-jynlary Beýelzebul arkaly kowýan
bolsam, onda siziň adamlaryňyz olary
kim arkaly kowýarlar? Şeýle diýýäniňiz
üçin sizi öz adamlaryňyz höküm eder.
20 Men arwah-jynlary Hudaýyň güýji
bilen kowýan bolsam, onda Hudaýyň
Şalygy size gelendir. 21 Eger bir güýç-
li adam depesinden dyrnagyna çenli
ýaraglanyp, öz öýüni goraýan bolsa,
onuň mal-mülki howpsuzdyr. 22 Emma
özünden güýçli adam hüjüm edip, ony
ýeňse, onda onuň buýsanýan hemme
ýaraglaryny elinden alyp, talan oljasyny
paýlar. 23 Meniň bilen bolmadyk Maňa
garşydyr, Meniň bilen sürini toplamadyk
ony dargadýandyr.

24 Arwah-jyn adamdan çykandan soň,
gurak ýerlere aýlanyp, dynçlyk gözle-
ýär, emma tapmaýar. Şonda ol: „Çykan
öýüme dolanaýyn“ diýýär. 25 Dolanyp
gelende, öýüň süpürilgi, hemme zadyň
ýerbe-ýerdigini görýär. 26 Onsoň gidip,
özünden hem erbet ýedi ruhy ýanyna
alýar-da, şol ýere baryp, mesgen tutýar.
Şeýlelikde, ol adamyň soňky ýagdaýy
öňküsinden-de erbet bolýar». 27 Isa bu
zatlary aýdyp durka, mähelläniň ara-
syndan bir aýal sesini gataldyp: «Seni
dogran, Seni emdiren ene nähili bagtly!»
diýdi. 28 Isa bolsa: «Hawa, Hudaýyň sö-
züni eşidip, ony berjaý edýänler has hem
bagtlydyr!» diýip jogap berdi.

### *Ýunusyň alamaty*
*(Matta 12:38-42)*

29 Mähelle has köp üýşende, Isa şeý-
le diýdi: «Bu nesil erbet nesildir. Olar
alamat talap edýär, emma olara Ýunus
pygamberiňkiden başga alamat berilmez.
30 Ýunus Ninewe halkyna nähili alamat
bolan bolsa, Ynsan Ogly-da bu nesle edil
şonuň ýaly alamat bolar. 31 Günorta meli-
kesi kyýamat güni bu nesle garşy çykyp,
ony höküm eder, sebäbi ol Süleýmanyň
pähimini diňlemek üçin, ýeriň aňry ujun-
dan geldi. Ine, bu ýerde Süleýmandan-da
üstün Biri bar. 32 Ninewe halky kyýamat
güni bu nesle garşy çykyp, ony höküm
eder, sebäbi olar Ýunusyň wagzy bilen
toba geldiler. Ine, bu ýerde Ýunusdan
hem üstün Biri bar.

### *Bedeniň yşygy*
*(Matta 5:15; 6:22,23)*

33 Hiç kim çyrany ýakyp, gizlin ýerde
ýa-da gabyň aşagynda goýýan däldir,
tersine, içeri girenler yşygy görer ýa-
ly, ony çyradanyň üstünde goýýandyr.
34 Bedeniň çyrasy gözdür. Gözüň sagdyn
bolsa, tutuş bedeniň hem ýagty bolar,
gözüň şikesli bolsa, tutuş bedeniň hem
garaňky bolar. 35 Şonuň üçin hem ägä
bol, sendäki yşyk garaňky bolaýmasyn.
36 Seniň tutuş bedeniň ýagty bolup, hiç
bir garaňky ýeri ýok bolsa, çyra seni öz
şöhlesi bilen ýagtyldýan ýaly, bedeniň
bütinleý ýagty bolar».

### *Waý halyňyza!*
*(Matta 23:1-36; Mark 12:38-40)*

37 Isa bu zatlary aýdyp durka, bir fa-
riseý Ony öýüne nahara çagyrdy. Isa
baryp, saçak başynda oturdy. 38 Fariseý
Onuň nahardan öň elini ýuwmandygyny
görüp, geň galdy. 39 Emma Reb Isa oňa
şeýle diýdi: «Ine, siz fariseýler käsedir
gap-çanagyň daşyny arassalaýarsyňyz,
emma içiňiz açgözlükden hem pislikden
doludyr. 40 Akmaklar! Daşyny ýaradan

**11:31** 1Pat 10:1-10. **11:32** Ýun 3:4-10.

içini-de ýaratmadymy? 41 Mätäçlere ýü-
rekden sadaka beriň, şonda hemmesi
siziň üçin arassa bolar. 42 Waý halyňyza,
eý, fariseýler! Siz narpyzdan, her hili
ysly otdan ondan bir bölegi berýärsiňiz,
emma adalat bilen Hudaýyň söýgüsini
äsgermeýärsiňiz. Bularyň birini berjaý
edip, beýlekilerini taşlamaly dälsiňiz.
43 Waý halyňyza, eý, fariseýler! Siz si-
nagogalarda baş kürsüleri, bazarlarda
özüňize salam berilmegini halaýarsyňyz.
44 Waý halyňyza! Siz hiç belligi bolma-
dyk mazarlara meňzeýärsiňiz: adamlar
bilmezden şeýle mazarlaryň üstünde
gezýändirler».
45 Töwrat mugallymlaryň biri Oňa: «Eý,
Mugallym! Sen bu zatlary aýtmak bilen,
biziň hem göwnümize degýärsiň» diýdi.
46 Isa hem şeýle diýdi: «Siziň hem waý ha-
lyňyza, eý, Töwrat mugallymlary! Agyr
ýükleri adamlara ýükleýärsiňiz, özüňiz
bolsa ol ýüklere barmagyňyzy hem
degirmeýärsiňiz. 47 Waý halyňyza! Siz
pygamberleriň guburlaryny dikýärsiňiz,
emma olary öldürenler öz atalaryňyz-
dyr. 48 Şeýtmek bilen, siz atalaryňyzyň
edenlerini tassyklaýarsyňyz. Hawa, py-
gamberleri atalaryňyz öldürdi, siz hem
olaryň guburlaryny dikýärsiňiz. 49 Şu
sebäpden hem, Hudaýyň akyldarlygy
şeýle diýipdir: „Men olara pygamberler,
resullar ibererin, olaryň käbirini öldü-
rerler, käbirini hem yzarlarlar“. 50 Şonuň
üçin hem dünýä ýaradylaly bäri hemme
pygamberleriň dökülen gany üçin bu
nesil jogapkärdir. 51 Habylyň ganyndan
başlap, ybadathana bilen gurbanlyk sy-
pasynyň arasynda öldürilen Zekarýanyň
ganyna çenli bu nesil jogapkärdir. Hawa,
Men size şuny aýdýaryn: ähli gabahat-
lyklar üçin şu nesil jogap berer. 52 Waý
halyňyza, eý, Töwrat mugallymlary! Siz
bilimiň açaryny alyp gitdiňiz. Özüňiz bu
gapydan girmediňiz, girmek isleýänlere
hem böwet bolduňyz».
53 Isa ol ýerden gaýdan wagty fariseýler
bilen Töwrat mugallymlary Onuň gar-
şysyna çykyp, üstüne ençeme meseleler
baradaky soraglary ýagdyrmaga baş-
ladylar. 54 Şeýdip, Isany sözünde tutjak
bolup, amatly pursady peýleýärdiler.

## 12-nji bap

### *Isa ikiýüzlülik barada duýdurýar*
*(Matta 10:26-31; 12:32)*

1 Şol wagt müňlerçe adam üýşüp, bi-
ri-birlerine gysylyşyp durdular. Isa ilki
bilen Öz şägirtlerine gürrüň bermäge
başlady: «Özüňizi fariseýleriň hamyr-
maýasyndan, ýagny ikiýüzlülikden goraň.
2 Ýapyk bolup, üsti açylmajak, gizlin
bolup, bilinmejek zat ýokdur. 3 Garaňky-
lykda näme aýtsaňyz, ýagtylykda eşidiler,
içki otaglarda çakan çawuşyňyz üçekler-
de yglan ediler. 4 Eý, dostlarym, Men size
şuny aýdaýyn: bedeni öldürýän, emma
ondan soňra hiç zat edip bilmeýänlerden
gorkmaň. 5 Men size kimden gorkma-
lydygyňyzy aýdaýyn: öldürenden soň
dowzaha zyňmaga güýji ýetýän Hudaý-
dan gorkuň. Hawa, size aýdýaryn, Ondan
gorkuň. 6 Bäş serçe iki teňňä satylmaýar-
my näme? Muňa garamazdan, Hudaý
olaryň hiç birini ýatdan çykarmaýar.
7 Siziň başyňyzdaky saçyňyz hem doly
sanalgydyr. Gorkmaň, siz serçelerden
has gymmatlysyňyz. 8 Size şuny diýýä-
rin: kim Meni ynsanlaryň öňünde ykrar
etse, Ynsan Ogly hem ony Hudaýyň
perişdeleriniň öňünde ykrar eder. 9 Kim
Meni adamlaryň öňünde ret etse, onuň
özi-de Hudaýyň perişdeleriniň öňünde
ret ediler. 10 Kim Ynsan Ogluna garşy
söz aýtsa, bagyşlanar, emma Mukaddes
Ruha dil ýetiren bagyşlanmaz.

11 Sizi sinagogalara, ýolbaşçylaryň,
hökümdarlaryň huzuryna getirenle-
rinde, özüňizi nähili gorajakdygyňyzy
we näme diýjekdigiňizi gaýgy etmäň.
12 Mukaddes Ruh size näme diýmelidi-
giňizi şol pursadyň özünde öwreder».

### *Akmak baý tymsaly*

13 Mähelläniň arasyndan biri Isa: «Mu-
gallym! Doganyma aýt, goý, ol mirasy
meniň bilen paýlaşsyn» diýdi. 14 Isa oňa:
«Eý, ynsan, kim Meni siziň üstüňizden
kazy ýa-da häkim edip belledi?» diýdi.
15 Onsoň olara: «Ägä boluň! Özüňizi
her hili betnebislikden goraň, sebäbi
ynsanyň ýaşaýşy onuň mal-mülküniň
bollugyna bagly däldir» diýdi. 16 Soňra
Isa olara bir tymsal aýdyp berdi: «Bir
baý adamyň ýeri bol hasyl berýär. 17 Ol
adam: „Näme etsemkäm? Hasylymy
goýmaga-da ýerim ýok“ diýip, içini
gepledýär. 18 Onsoň ol: „Hä, men, ine,
şeýle ederin: ammarlarymy söküp, ulu-
rak ammarlar salaryn-da, ähli gallamy,
bar zadymy şol ýere ýygnaryn. 19 Özüme
bolsa, eý, janym, köp ýyl üçin ýygna-
lan ençeme zadyň bar, dynjyňy al, iý,
iç, keýp çek diýerin“ diýýär. 20 Emma
Hudaý oňa: „Eý, akmak! Edil şu gijäniň
özünde janyň alnar. Onsoň özüň üçin
taýýarlan zatlaryň kime galar?“ diýýär.
21 Özi üçin hazyna toplaýan, emma Hu-
daýyň nazarynda baý bolmadyk her bir
adamyň soňy şeýle bolar».

### *Gaýgy etmäň*
*(Matta 6:25-34)*

22 Onsoň Isa şägirtlerine şeýle diýdi:
«Şoňa görä size diýýärin: näme iýip-içe-
rin diýip janyňyzy, näme geýerin diýip
bedeniňizi gaýgy etmäň. 23 Jan iýmitden,
beden egin-eşikden has gymmatlydyr.
24 Gargalara serediň, olar ne ekýärler,
ne-de orýarlar. Olaryň ne ammarlary,
ne-de urulary bar. Muňa garamazdan,
Hudaý olary iýmitlendirýär. Siz guşlar-
dan näçe esse gymmatlysyňyz! 25 Siziň
haýsy biriňiz gaýgy edip, ömrüňizi bir
sagat uzaldyp bilýärsiňiz? 26 Bu kiçijik
zady edip bilmeýän bolsaňyz, onda näme
üçin galan zatlaryň gaýgysyny edýärsi-
ňiz? 27 Liliýalaryň ösüşine syn ediň: olar
ne zähmet çekýärler, ne-de ýüp egir-
ýärler. Emma Men size diýýärin, hatda
Süleýman hem özüniň bütin şan-şöhra-
tynda bularyň hiç biri ýaly geýinmändi.
28 Emma bu gün bar bolup, ertir ojaga
taşlanýan meýdan otuny Hudaý şeýle
geýindirýän bolsa, sizi ondan has artyk
geýindirmezmi, eý, imany azlar?! 29 Şo-
nuň üçin hem näme iýip-içjekdigiňizi,
näme geýjekdigiňizi agtarmaň, bular
barada alada etmäň. 30 Bu zatlaryň ba-
ryny bu dünýäniň adamlary agtarýandyr.
Ataňyz bularyň ählisiniň size gerekdigini
bilýär. 31 Siz bolsa Hudaýyň Şalygyny
agtaryň, şonda bu zatlar hem size onuň
üstüne goşulyp berler.

32 Gorkma, eý, kiçijik süri! Çünki Ata-
ňyz Şalygy size bermegi makul bildi.
33 Emlägiňizi satyň, garyplara sada-
ka beriň. Özüňize könelmeýän gapjyk,
gökde tükenmeýän hazyna taýýarlaň.
Ol ýere ogry golaýlaşýan däldir, güýe
iýýän däldir. 34 Hazynaňyz nirede bolsa,
ýüregiňiz hem şol ýerde bolar.

### *Oýa hem taýýarlykly boluň*
*(Matta 24:45-51)*

35 Billeriňiz guşalgy, çyralaryňyz ýa-
kylgy bolsun. 36 Toýdan gelip, hojaýyny
gapyny kakanda, dessine oňa gapyny
açmaga garaşýan adamlar ýaly boluň.
37 Hojaýyny dolanyp gelende, onuň oýa
görjek hyzmatkärleri neneňsi bagtly! Si-
ze dogrusyny aýdýaryn, hojaýyn bilini

guşap, hyzmatkärlerini saçak başynda
oturdar. Ýanyna gelip, olara özi hyzmat
eder. 38 Hojaýyn isle ýarygije, isle daňdan
gelsin, onuň gelende, oýa görjek hyz-
matkärleri neneňsi bagtlydyr! 39 Emma
şuny bilip goýuň: öý eýesi ogrynyň
haýsy sagatda geljegini bilsedi, öýüni
talatmazdy [a]. 40 Siz hem taýýar boluň,
sebäbi Ynsan Ogly siziň oslamaýan
sagadyňyzda geler».

41 Şonda Petrus: «Agam, bu tymsaly
diňe bize aýdýarsyňmy ýa-da hemme-
lere?» diýip sorady.

42 Reb Isa şeýle jogap berdi: «Hojaýy-
nyň sadyk hem akylly iş dolandyryjysy
kim? Beýleki hyzmatkärlerine wagtly-
wagtynda nahar bermek üçin, olaryň
üstünden goýan adamy dälmi? 43 Hojaýy-
ny dolanyp gelende, işiniň başynda gören
hyzmatkäri nähili bagtly! 44 Size dogrusy-
ny aýdýaryn, hojaýyny ähli mal-mülküni
şoňa ynanar. 45 Emma şol hyzmatkär öz
içinden: „Hojaýynym giç geler“ diýip,
gullary we kenizleri urmaga, iýip-içip,
serhoş bolmaga başlasa, 46 hojaýyny hem
onuň oslamaýan gününde, oýlamaýan
sagadynda gelse, ony parça-parça edip,
onuň başyna biwepalaryň gününi salar.

47 Hojaýynynyň islegini bilse-de,
taýýar bolmaýan, onuň islegini ýeri-
ne ýetirmeýän hyzmatkär köp ýenjiler.
48 Emma bilmezlikden taýaga mynasyp iş
eden adam az ýenjiler. Kime köp berlen
bolsa, ondan has köp talap ediler. Kime
köp zat ynanylan bolsa, ondan köp zat
hem isleniler».

### *Parahatlyk däl-de, bölünişik*
*(Matta 10:34-36)*

49 Isa sözüni dowam etdi: «Men ýer
ýüzüne ot ýagdyrmaga geldim. Hernä
şol ot indi tutaşyp bir ýansady! 50 Men
çuňňur gaýgy-hasrata batýaryn. Bu ama-
la aşýança, Men darygýaryn! 51 Meni ýer
ýüzüne parahatlyk getirmäge gelendir
öýdýärsiňizmi? Ýok, bölünişik getirmä-
ge geldim diýýärin. 52 Mundan beýläk bir
öýde ýaşaýan bäş adam bölünişip, üçüsi
ikisine garşy, ikisi hem üçüsine garşy
bolar. 53 Ata ogluna, ogul atasyna garşy,
ene gyzyna, gyz enesine garşy, gaýynene
gelnine, gelin gaýynenesine garşy bolar».

### *Alamatlara düşünmek*
*(Matta 16:2,3; 5:25,26)*

54 Isa mähellä ýüzlenip, şeýle diýdi:
«Siz günbatardan bir buludyň peýda
bolanyny gören badyňyza: „Ýagyş ýagar“
diýýärsiňiz, şeýle hem bolýar. 55 Gün-
orta ýeli öwsende bolsa: „Howa yssy
boljak“ diýýärsiňiz, şeýle hem bolýar.
56 Eý, ikiýüzlüler! Ýeriň hem asmanyň
görnüşinden many çykaryp bilýäňiz-de,
näme üçin bu häzirki döwürden many
çykaryp bileňzok?

57 Näme üçin özüňize dogry zady
saýlap alyp bilmeýärsiňiz? 58 Biri seni
aýyplap, kazyýete alyp gitse, onuň bilen
ýoldakaň barlyş. Ýogsam ol seni kaza,
kazy hem zyndan sakçysyna tabşyryp,
zyndana düşmegiň ahmal. 59 Saňa şuny
aýdýaryn, jerimäňi doly töleýänçäň, ol
ýerden çykmarsyň».

## 13-nji bap

### *Toba ediň*

1 Şol wagt birnäçe adam gelip, Pi-
latyň jelilelilere edenleri barada Isa
habar berdiler. Pilat olaryň käbirini
öldürip, olaryň ganlaryny kesip duran
gurbanlyklaryna goşupdy. 2 Isa şeýle

[a] **12:39** ***Öýüni talatmazdy*** – käbir golýazmalarda *oýa bolardy, öýüni talatmazdy.*

jogap berdi: «Şeýle ejir çeken bu jelile-
lileri beýleki ähli jelilelilerden has köp
günäli hasaplaýarsyňyzmy? 3Elbetde,
ýok! Emma toba etmeseňiz, siziň hem-
mäňiz şolar ýaly heläk bolarsyňyz. 4Ýa
Siloýam minarasy üstlerine ýykylyp ölen
on sekiz adam ýadyňyzda dälmi? Eý-
sem şolar Iýerusalimdäkilerden has köp
ýazyklydyr öýdýäňizmi? 5Elbetde, ýok!
Emma toba etmeseňiz, siziň hemmäňiz
şolar ýaly heläk bolarsyňyz».
6Onsoň Isa olara şu tymsaly gürrüň
berdi: «Bir adamyň bagynda bitip oturan
bir injir agajy bar eken. Ol gelip, ondan
miwe agtarýar, ýöne hiç zat tapmaýar.
7Ol bagbana: „Men üç ýyldan bäri gelip,
bu injir agajyndan miwe gözleýän, emma
birini-de tapamok. Ony kesip taşla! Ol
nämä biderek ýer tutup otyr?“ diýýär.
8Emma bagban oňa: „Agam, oňa bu
ýyl hem degme, men onuň töweregini
gazyp, dökün bereýin. 9Geljek ýyl mi-
we berse-hä ne ýagşy, bermese-de, ony
kesip taşlarsyň“ diýýär».

### *Isa bili bükük aýaly sagaldýar*

10Bir Sabat güni Isa sinagogalaryň
birinde halka öwredýärdi. 11Ol ýerde
on sekiz ýyl bäri içinde hassalyk ruhy
bolan bili bükük bir aýal bardy. Ol iki
eplenip, asla dikelip bilmeýärdi. 12Isa
ony görende, ýanyna çagyryp: «Naçar!
Sen çekýän ejirleriňden halas bolduň»
diýdi. 13Onsoň Isa ellerini aýalyň üstünde
goýdy welin, ol şobada dikelip, Hudaýy
şöhratlandyrmaga başlady. 14Emma Isa-
nyň hassa aýala Sabat güni şypa berenine
gahary gelen sinagoga baştutany halka
ýüzlenip: «Işlemek üçin alty gün bardyr,
şypa tapmaga Sabat güni däl-de, başga
günlerde geliň» diýdi. 15Reb Isa hem oňa:
«Eý, ikiýüzlüler! Siziň haýsy biriňiz Sa-
bat güni öküziňizi ýa eşegiňizi ahyryň
başyndan çözüp, suwa ýakmaga äkitme-
ýärsiňiz? 16Bu aýal on sekiz ýyllap şeýtan
tarapyndan baglanan Ybraýymyň gyzy-
dyr. Eýsem Sabat güni bolany üçin ol bu
zynjyrdan azat edilmeli dälmi?» diýdi.
17Isa bu sözleri aýdan wagty, Oňa garşy
çykanlaryň hemmesi utandy. Halk bol-
sa Onuň edýän ajaýyp işlerine begendi.

### *Gorçisa tohumy we hamyrmaýa tymsaly*
*(Matta 13:31-33; Mark 4:30-32)*

18Onsoň Isa: «Hudaýyň Şalygy nämä
meňzeýär? Ony nämä meňzedeýin? 19Ol
bir adamyň öz mellegine eken gorçisa
tohumyna meňzeşdir. Ol ösüp, agaja
öwrülýär, guşlaram onuň şahalarynda
höwürtge ýasanýarlar» diýdi.
20Isa ýene-de söz açyp: «Hudaýyň
Şalygyny nämä meňzedeýin? 21Ol ha-
myrmaýa meňzeýär: aýal üç kersen una
birje bölek hamyrmaýa goşsa-da, tutuş
hamyr çişýär» diýdi.

### *Dar gapy*
*(Matta 7:13,14,21-23)*

22Isa Iýerusalime tarap gidip barşy-
na, şäherleriň, obalaryň içinden geçip,
adamlara öwredýärdi. 23Bir adam On-
dan: «Eý, Agam! Halas ediljekleriň sany
az bolarmyka?» diýip sorady.
Isa olara şeýle diýdi: 24«Men size
diýýärin: dar gapydan girmäge çalşyň,
sebäbi köpler bu gapydan girmäge jan
ederler, emma başarmazlar. 25Öý eýesi
turup, gapyny gulplanda, siz daşarda ga-
lyp, gapyny kakarsyňyz we: „Aga, bize
gapyny açaý-da!“ diýip ýalbararsyňyz.
Ol hem size: „Men sizi tanamok, nireden
geleniňizi-de bilemok“ diýip jogap berer.
26Şonda siz: „Biz seniň bilen iýip-içdik.
Sen köçelerimizde bize sapak berdiň“
diýersiňiz. 27Emma ol ýene-de: „Men
sizi tanamok! Niredendigiňizi-de bile-

mok! Ýok boluň ýanymdan, eý, erbetler!“
diýip jogap berer. 28 Ybraýymy, Yshagy,
Ýakuby we ähli pygamberleri Hudaýyň
Şalygynda, özüňiziň bolsa daşary kowla-
nyňyzy gören wagtyňyz, ol ýerde aglama
hem diş gyjama bolar. 29 Gündogardan,
günbatardan, demirgazykdan, günorta-
dan adamlar gelip, Hudaýyň Şalygynda
saçak başynda oturarlar. 30 Dogrudan-da,
ilkinjiler boljak soňkular bar we soňkular
boljak ilkinjiler bar».

### *Isanyň Iýerusalime haýpy gelýär*
*(Matta 23:37-39)*

31 Şol wagt käbir fariseýler gelip, Isa:
«Bu ýerden çykyp, başga ýere git. Hirod
Seni öldürmek isleýär» diýdiler. 32 Isa ola-
ra şeýle diýdi: «Gidiň-de, ol tilkä aýdyň,
ine, Men bu gün we ertir arwah-jynlary
kowup, şypa bererin, üçülenji güni işimi
bitirerin. 33 Emma şonda-da Men bu gün,
ertir we birigün ýol ýöremeli, sebäbi py-
gamberiň Iýerusalimden daşarda ölmegi
bolup biljek zat däldir! 34 Eý, Iýerusalim!
Pygamberleri öldürýän, özüne ýollanan-
lary daşlaýan Iýerusalim! Towugyň öz
jüýjelerini ganatlarynyň aşagyna ýyg-
naýşy ýaly, Men hem ençeme gezek seniň
çagalaryňy ýygnajak boldum, emma siz
muny islemediňiz! 35 Ine, öýüňiz haraba
öwrüler. Size şuny aýdaýyn: „Rebbiň
adyndan Gelýäne alkyş bolsun!“ diý-
ýänçäňiz, Meni gaýtadan görmersiňiz».

## 14-nji bap

### *Isa bir fariseýiň öýünde*

1 Bir Sabat güni Isa fariseýleriň baş-
lyklaryndan biriniň öýüne nahara geldi.
Hemmeler Oňa dykgat bilen seredýär-
diler. 2 Onuň garşysynda eli-aýagy çişen
bir adam otyrdy. 3 Isa fariseýlerden we
Töwrat mugallymlaryndan: «Sabat güni
bir hassa şypa bermeklik kanuna dogry
gelýärmi ýa-da ýok?» diýip sorady. 4 Olar
sesini çykarmadylar. Isa hem ýaňky
adama elini degrip, oňa şypa berdi we
öýüne iberdi. 5 Onsoň olardan: «Biri-
ňiziň ogluňyz[a] ýa-da öküziňiz guýa
gaçsa, Sabat günüdigine garamazdan
ony dessine çykarmazmy?» diýip so-
rady. 6 Olar bu soraglara jogap berip
bilmediler.

7 Isa çagyrylanlaryň töri saýlaýandyk-
laryny görüp, olara şu tymsaly aýtdy:
8 «Biri seni toýa çagyranda, baryp töre
geçme. Ol senden has hormatly birini
çagyran bolaýmasyn. 9 Toý eýesi gelip,
saňa: „Ýeriňi bu adama ber“ diýäýme-
sin. Onsoň sen utanyp, işigiň ýanynda
oturmaly bolarsyň. 10 Şonuň üçin bir
ýere çagyrylanyňda, aýaguçda otur. Seni
çagyran ýanyňa gelip: „Eý, dost! Töre
geç“ diýsin. Şonda saçak başyndaky
oturanlaryň ýanynda hormatyň bolar.
11 Özüni ýokary tutýan adam peseldiler,
pes tutýan bolsa beýgeldiler».
12 Onsoň Isa Özüni çagyrana: «Gün-
ortanlyk ýa-da agşamlyk naharyny
bereniňde, dost-ýarlaryňy, dogan-ga-
ryndaşlaryňy, baý goňşularyňy çagyrma.
Eger çagyrsaň, olar hem seni çagyryp,
munuň öwezini dolar. 13 Meýlis gura-
nyňda garyplary, maýyplary, agsaklary,
körleri çagyr. 14 Şonda sen ýalkanarsyň.
Çünki olar saňa öwezini dolup bilmezler,
munuň öwezi saňa dogry adamlaryň
direlen wagty berler» diýdi.

[a] **14:5** ***Ogluňyz*** – käbir golýazmalarda *eşegiňiz.*

**13:35** Zeb 117:26.

### *Uly meýlis tymsaly*
*(Matta 22:1-10)*

15 Isa bilen saçak başynda oturanlaryň
biri muny eşidende, Oňa: «Hudaýyň Şa-
lygynda çörek iýjek adam nähili bagtly!»
diýdi. 16 Isa hem oňa şeýle diýdi: «Bir
adam uly meýlis gurap, birtopar adamy
çagyrypdyr. 17 Nahar wagty bolanda, ol:
„Geliň, ähli zat taýýar“ diýip, myhman-
lara habar bermek üçin, öz hyzmatkärini
ugradýar. 18 Emma olaryň hemmesi dil-
leşen ýaly, ötünç soramaga başlaýarlar.
Birinjisi oňa: „Men bir bölek ýer satyn
aldym, şony görmäge gitmeli. Haýyş ed-
ýärin, meni bagyşla“ diýýär. 19 Beýlekisi:
„Men bäş jübüt öküz satyn aldym, şolary
barlamaga barýaryn. Haýyş edýärin, ga-
ty görme“ diýýär. 20 Ýene biri: „Men täze
öýlendim, şonuň üçin baryp bilmeýärin“
diýýär. 21 Hyzmatkär gelip, bulary öz
jenabyna habar berýär. Onsoň öý eýesi
gaharlanyp, hyzmatkärine: „Dessine şä-
heriň köçelerine, ýol-ýodalaryna git-de,
garyplary, maýyplary, körleri, agsakla-
ry şu ýere getir“ diýýär. 22 Hyzmatkär:
„Jenap! Seniň aýdanyň ýerine ýetirildi,
ýöne entek hem ýer bar“ diýýär. 23 Onsoň
jenap hyzmatkärine: „Öýüm dolar ýaly,
obalara, onuň daş-töweregindäki meý-
danlara aýlan-da, adamlary geler ýaly
et“ diýýär. 24 Men size şuny aýdaýyn:
şol ilkinji çagyrylanlaryň ýekejesi hem
Meniň saçagymdan datmaz».

### *Şägirt bolmagyň tölegi*
*(Matta 10:37,38)*

25 Uly mähelle Isa bilen bile barýardy.
Isa yzyna öwrülip, olara şeýle diýdi:
26 «Kim Meniň ýanyma gelip, atasyny,
enesini, aýalyny, bala-çagasyny, doga-
nyny, uýasyny, hatda öz janyny hem
ýigrenmese, Meniň şägirdim bolup
bilmez. 27 Kim öz haçyny göterip, Me-
niň yzyma düşmese, Meniň şägirdim
bolup bilmez. 28 Aýdaly, araňyzdan biri
minara gurmak isleýär. Ol ilki oturyp,
muny tamamlamaga pulunyň ýetip-ýet-
mejekdigini hasaplamazmy? 29 Sebäbi
minaranyň binýadyny tutup, soň işi
tamamlap bilmese, muny görenleriň
hemmesi oňa güler. 30 Olar: „Bu adam
muny gurmaga başlady, emma tamamlap
bilmedi“ diýerler. 31 Ýa bolmasa bir pa-
tyşa başga bir patyşa bilen uruş etmäge
barýar diýeli. Üstüme gelýän ýigrimi
müň esgere on müň esger bilen garşylyk
görkezip bilermikäm diýip, ilki otu-
ryp maslahatlaşmazmy? 32 Başarmajak
bolsa, ol duşman entek uzakdaka, ilçi
iberip, ýaraşyk şertlerini sorar. 33 Şeýle-
likde, siziň her biriňiz ähli zadyňyzdan
el çekmeseňiz, Meniň şägirdim bolup
bilmersiňiz.

34 Duz gowy zatdyr, emma ol öz ta-
gamyny ýitirse, onda oňa nädip tagam
berler? 35 Ol ne topraga, ne-de döküne
ýarar, ony zir-zibile zyňarlar. Eşitmäge
gulagy bar adam eşitsin!»

## 15-nji bap

### *Ýiten goýun tymsaly*
*(Matta 18:12-14)*

1 Ähli salgytçylar bilen günäkärler Isa-
nyň aýdýan zatlaryny diňlemek üçin,
Onuň daşyna üýşýärdiler. 2 Fariseýler
bilen Töwrat mugallymlary bolsa: «Bu
adam günäkärleri kabul edýär, olar bi-
len nahar iýýär» diýip hüňürdeşýärdiler.
3 Onsoň Isa olara şu tymsaly aýtdy: 4 «Siz-
den biriniň ýüz goýny bar diýeli. Ol
bularyň birini ýitirýär. Şonda ol togsan
dokuzsyny düzde goýup, tä ýiten goýnu-
ny tapýança, ony gözlemäge gitmezmi?
5 Tapanda bolsa, ony begenç bilen egnine

alyp gaýdar. [6]Öýüne gelip, dostlaryny,
goňşularyny çagyryp: „Meniň bilen bile
şatlanyň, ýiten goýnumy tapdym!“ diýer.
[7]Size şuny aýdýaryn: şunuň ýaly toba
eden ýeke günäli üçin gökde boljak şat-
lyk toba mätäç däl togsan dokuz dogry
adam üçin boljak şatlykdan has uly bolar».

### *Ýiten pul tymsaly*

[8]«Aýdaly, bir aýalyň on sany kümüş
teňňesi bar eken. Ol bularyň birini ýitir-
ýär. Şonda ol çyrany ýakyp, öýi süpürip,
ony tapýança, üns berip gözlemezmi?
[9]Tapanda bolsa öz joralaryny, goňşulary-
ny çagyryp: „Meniň bilen bile şatlanyň,
ýiten teňňämi tapdym“ diýer. [10]Men size
şuny aýdýaryn: toba eden ýekeje günäli
üçin, Hudaýyň perişdeleriniň arasynda
edil şunuň ýaly uly şatlyk bolar».

### *Ýiten ogul tymsaly*

[11]Isa sözüni dowam etdi: «Bir adamyň
iki ogly bar eken. [12]Kiçi ogly kakasyna:
„Kaka, mal-mülkden meniň paýyma
düşenini ber“ diýýär. Kakasy hem baý-
lygyny ogullarynyň arasynda bölüp
berýär. [13]Birnäçe günden soň kiçi ogly
bar-ýoguny toplap, bir uzak ýurda gid-
ýär. Ol ýerde şady-horramlykda ýaşap,
mal-mülküni ýele sowurýar. [14]Bar za-
dyny sowandan soň, ýaňky ýurda gaty
açlyk düşüp, ol horluk çekmäge başlaýar.
[15]Şeýlelikde, ol gidip, şol ýurduň bir ýa-
şaýjysyna günlükçi durýar. Ol hem ony
öz örülerine doňuz bakmaga iberýär.
[16]Oglanyň doňuzlaryň iýýän kösükleri
bilen garnyny doýrasy gelýärdi, emma
oňa hiç kim hiç zat bermeýärdi. [17]Ol
ahyrsoňy akylyna aýlanyp, özüne şeýle
diýýär: „Kakamyň ençeme günlükçileri
bar, olaryň hemmesiniň hem doýýança
iýmäge çörekleri bar. Men bolsa bu ýerde
açlykdan öljek bolup ýörün! [18]Gowusy,
kakamyň ýanyna baryp, oňa: ‘Kaka, men
Gökdäkä-de, saňa-da garşy günä etdim.
[19]Men indi seniň ogluň diýilmäge-de
mynasyp däl. Meni öz günlükçileriň-
den biri ýaly kabul et diýeýin’“. [20]Ýigit
kakasynyň ýanyna ugraýar.

Ogly entek uzakdaka, kakasy ony
görýär. Oňa ýüregi awaýar, ylgap ba-
ryp oglunyň boýnundan gujaklap, ony
ogşaýar. [21]Ogly oňa: „Kaka, men Gök-
däkä-de, saňa-da garşy günä etdim. Men
indi seniň ogluň diýilmäge-de mynasyp
däl“ diýýär. [22]Emma kakasy hyzmat-
kärlerine buýruk berip: „Dessine iň
saýlama dony getiriň-de, oňa geýdiriň.
Ellerine ýüzük dakyň, aýaklaryna kö-
wüş geýdiriň. [23]Baga bakylan göläni
getirip, damagyny çalyň, iýip şatlanalyň!
[24]Sebäbi bu oglum ölüdi, indi direldi;
ol ýitipdi, indi tapyldy“ diýýär. Şeýdip,
olar toý etmäge başlaýarlar.

[25]Şol wagt onuň uly ogly ekin meý-
danynda eken. Ol öýe golaýlanda,
aýdym-saz bilen oýun-gülki seslerini
eşidýär. [26]Ol hyzmatkärleriň birini ýa-
nyna çagyryp, munuň sebäbini soraýar.
[27]Ol hem oňa: „Iniň gaýdyp geldi. Kakaň
onuň sag-aman yzyna dolanyp geleni
üçin, baga bakylan göläniň damagyny
çaldy“ diýýär. [28]Uly ogly gaharlanyp,
içeri girmek islemeýär. Şonda kakasy
daşary çykyp, oňa ýalbarýar. [29]Emma ol
kakasyna şeýle jogap berýär: „Görýäňmi,
men näçe ýyldyr, seniň üçin gul ýaly iş-
ledim, hiç haçan seniň buýruklaryňa ýok
diýmedim. Muňa garamazdan, öz dost-
larym bilen şüweleň eder ýaly, sen maňa
hiç haçan bir çebiş-de bermediň. [30]Emma
ähli baýlygyňy loly heleýlere sowran bu
ogluň gelende, sen onuň üçin baga baky-
lan göläniň damagyny çaldyň“. [31]Kakasy
oňa: „Oglum, sen hemişe meniň ýanym-
da ahyry, meniň bar zadym seniňkidir.

[32] Bu gün bolsa toý edip, şatlanmak gerek,
sebäbi seniň iniň ölüdi, indi direldi; ol
ýitipdi, indi tapyldy“ diýip jogap berýär».

### 16-njy bap

### *Ugurtapyjy iş dolandyryjy*

[1] Isa şägirtlerine şulary gürrüň ber-
di: «Bir baý adamyň iş dolandyryjysy
bar eken. Bu iş dolandyryjynyň baýyň
mal-mülküni dargadýandygy barada
oňa şikaýat edipdirler. [2] Baý ony ýanyna
çagyryp: „Sen hakda eşidýän zatlarym
näme? Iş dolandyryşyň babatda hasabat
ber, sebäbi sen mundan beýläk meniň iş
dolandyryjym bolup bilmersiň“ diýýär.
[3] Iş dolandyryjy öz-özüne: „Indi näme
etsemkäm? Hojaýynym işimi elimden
alýar. Men gazy gazmaga ejiz, dilen-
mäge utanýaryn. [4] Hä…, işden kowlan
wagtym halk meni öýüne kabul eder ýaly,
näme etjegimi bilýärin“ diýip oýlanýar.
[5] Şeýlelikde, ol hojaýynyna bergili
adamlaryň baryny bir-birden ýanyna
çagyrýar. Birinji çagyranyndan: „Meniň
hojaýynyma näçe bergiň bar?“ diýip
soraýar. [6] Ol: „Ýüz çelek [a] zeýtun ýa-
gy“ diýip jogap berýär. Iş dolandyryjy
oňa: „Dil hatyňy al-da, oturyp, des-
sine şony elli çelek diýip ýaz“ diýýär.
[7] Onsoň başga birinden: „Seniň näçe
bergiň bar?“ diýip soraýar. Ol hem:
„Müň halta [b] bugdaý“ diýip jogap berýär.
Oňa-da: „Dil hatyňy al-da, şony sekiz
ýüz diýip ýaz“ diýýär. [8] Hojaýyny bu
hilegär iş dolandyryjyny ugurtapyjylygy
üçin taryplady. Bu dünýäniň adamlary
öz nesliniň arasynda hereket etmekde
nurdaky ynsanlardan parasatlydyr. [9] Size
şuny aýdýaryn: özüňize dost gazanmak
üçin dünýäniň baýlygyny ulanyň, bu
mal-mülk gutaranda bolsa, siz ebedi
galjak mesgenlere kabul edilersiňiz.
[10] Az zatda ynamdar bolan köp zatda
hem ynamdardyr, az zatda ynamdar
bolmadyk köp zatda-da ynamdar bolup
bilmez. [11] Şeýlelikde, dünýäniň baýly-
gynda ynamdar bolmasaňyz, size çyn
baýlygy kim ynanar? [12] Başga biriniň
emlägi babatda ynamdar bolmasaňyz,
öz emlägiňizi size kim berer? [13] Hiç bir
hyzmatkär iki hojaýyna hyzmat edip
bilmez. Ol ýa birini ýigrenip, beýlekisini
söýer, ýa-da birine wepaly bolup, beýle-
kisini äsgermezlik eder. Siz hem Hudaýa,
hem baýlyga hyzmat edip bilmersiňiz».
[14] Puly söýýän fariseýler bu sözleri
eşidip, Isany masgara etmäge başlady-
lar. [15] Isa olara şeýle diýdi: «Siz özüňizi
adamlaryň ýanynda aklaýarsyňyz, emma
Hudaý ýüregiňizi bilýändir. Adamlaryň
arasynda ýokary saýylýan zat Hudaýyň
ýanynda ýigrenjidir.
[16] Ýahýa gelýänçä, adamlar Töwrada
we pygamberleriň ýazgylaryna görä
ýaşamaly bolupdy. Indi bolsa Hudaýyň
Şalygynyň Hoş Habary wagyz edilýär,
oňa hemmeleriň giresi gelýär. [17] Töw-
radyň ýekeje nokadynyň ýiteninden,
asman bilen ýeriň ýiteni aňsatdyr.
[18] Aýalyny aýryp, başga aýala öýlenen
adam zyna edýändir. Ärinden aýrylan
aýala öýlenen kişi-de zyna edýändir».

### *Baý adam we Lazar gedaý*

[19] «Bir baý adam bar eken. Ol gyrmyzy
don we nepis eşikler geýip, her günü-
ni şady-horramlykda geçirerdi. [20] Onuň
gapysynyň agzynda tutuş bedenini ýara
basan Lazar atly bir gedaý ýatardy. [21] Ol

[a] **16:6** ***Ýüz çelek*** – grekçe ýüz bat takm. 4000 litr.
[b] **16:7** ***Müň halta*** – grekçe ýüz kor takm. 30000 kg.

baýyň saçagyndan dökülen owuntyk-
lary iýmegiň arzuwyndady. Itler hem
gelip, onuň ýaralaryny ýalardy. 22 Bir gün
wagty dolup, gedaý ölýär. Perişdeler ony
Ybraýymyň ýanyna äkidýärler. Soňra baý
hem ölýär we jaýlanýar. 23 Dowzahda ejir
çekýän baý gabagyny galdyryp, uzakdan
Ybraýymy we onuň ýanyndaky Lazary
görýär. 24 Şonda ol gygyryp: „Eý, Yb-
raýym ata, maňa rehim et! Lazary iber,
barmagynyň ujuny suwa batyryp, meniň
dilimi sowatsyn, sebäbi bu oduň içinde
men ejir çekýärin“ diýýär. 25 Emma Yb-
raýym oňa: „Eý, ogul! Sen öz ýaşaýşyňda
ýagşy zatlary alanyňy, Lazaryň bolsa
ejir çekenini ýadyňa sal. Indi bolsa ol bu
ýerde rahatlyk görýär, emma sen ejir çek-
ýärsiň. 26 Bulardan başga-da, biziň bilen
siziň araňyzda äpet bir uçut goýlupdyr,
şonuň üçin bu ýerden siz tarapa, ol ýer-
den hem biz tarapa hiç kim geçip bilmez“
diýip jogap berýär. 27 Şonda baý adam:
„Beýle bolsa, atam, saňa ýalbarýaryn,
Lazary kakamyň öýüne iber. 28 Sebäbi
meniň bäş doganym bar. Bu gynalýan
ýere düşmezleri ýaly, Lazar baryp şeýle
ýeriň bardygyny olara duýdursyn“ diýýär.
29 Emma Ybraýym: „Olarda Musanyň
we pygamberleriň ýazgylary bar ahyry,
goý, şolara gulak assynlar“ diýýär. 30 Ol
hem: „Ýok, eý, Ybraýym ata! Olar diňe
ölülerden biri ýanlaryna baranda toba
ederler“ diýýär. 31 Ybraýym oňa: „Olar
Musa we pygamberlere gulak asmaýan
bolsalar, onda ölülerden biri direlse-de,
ynanmazlar“ diýip jogap berýär».

## 17-nji bap

### *Bagyşlama we iman baradaky taglymat*

1 Isa şägirtlerine şeýle diýdi: «Adam-
lary günä duçar edýän zatlaryň gelmegi
gutulgysyzdyr, emma bu zatlaryň gelme-
gine ýardam berýän adamyň dat gününe!
2 Maňa ynanýan pes göwünlileriň biriniň
günä etmegine sebäp bolanyndan, boý-
nundan bir degirmen daşy asylyp, deňze
taşlanany onuň üçin has oňat bolar.
3 Habardar boluň! Eger doganyň günä
etse, oňa käýe. Eger ol toba etse, ony ba-
gyşla. 4 Ol saňa garşy günde ýedi gezek
günä edip, ýedi gezek hem ýanyňa gelip:
„Toba edýärin!“ diýse, ony bagyşla».
5 Resullar Reb Isa: «Biziň imanymyzy
artdyr!» diýdiler. 6 Ol şeýle diýdi: «Eger
siziň bir gorçisa dänesi ýaly imanyňyz
bolup, şu tut agajyna: „Bu ýerden go-
paryl-da, deňizde göger!“ diýseňiz, ol
size gulak asar. 7 Aýdaly, siziň ýer sürýän
ýa-da çopançylyk edýän hyzmatkäri-
ňiz bar. Ol meýdandan gelende, siziň
haýsyňyz oňa: „Basym gel-de, saçak
başynda otur“ diýersiňiz? 8 Gaýtam, oňa:
„Meniň agşamlygymy taýýarla, biliňi
guşa-da, iýip-içýänçäm, maňa hyzmat
et, özüň soňra iýip-içersiň“ diýmezmi?
9 Buýruklaryny berjaý edeni üçin, ol
hyzmatkäre minnetdarlyk bildirermi?
10 Siz hem özüňize buýrulan ähli zady
berjaý edeniňizden soň: „Biz hem ýöne
bir hyzmatkärdiris, diňe özümize tab-
şyrylan ýumşy ýerine ýetirdik“ diýiň».

### *Isa on sany deri kesellini sagaldýar*

11 Isa Samariýa bilen Jeliläniň üstün-
den geçip, Iýerusalime tarap gitdi. 12-13 Ol
obalaryň birine girende, Oňa endamy
deri keseline duçar bolan on adam sa-
taşdy. Olar uzakda durup, gaty ses bilen:
«Eý, Isa! Halypa, bize rehim et!» diýdiler.
14 Isa olary görüp: «Baryň, ruhanylara
görnüň» diýdi. Olar ýoldakalar keselden
saplandy. 15 Olaryň biri sagalanyny görüp,
gaty ses bilen Hudaýy şöhratlandyryp,
yzyna öwrüldi. 16 Ol Isanyň aýaklaryna

ýykylyp, Oňa minnetdarlyk bildirdi. Bu
adam samariýalydy. [17]Isa: «Keselden sap-
lanan on kişi dälmidi? Galan dokuz adam
nirede? [18]Hudaýy şöhratlandyrmak üçin
bu kesekiden başga hiç kim yzyna öwrül-
medimi?» diýip sorady. [19]Onsoň oňa: «Tur,
gidiber, imanyň seni halas etdi» diýdi.

### *Hudaýyň Şalygynyň gelşi barada*
*(Matta 24:23-28,37-41)*

[20]Bir gün fariseýler Isadan Hudaýyň
Şalygynyň haçan geljekdigini soranla-
rynda, Ol: «Hudaýyň Şalygy göze görnüp
gelmez. [21]Adamlar: „Ine, bu ýerde!“ ýa-da
„Anha, ol ýerde!“ diýmezler, sebäbi Hu-
daýyň Şalygy siziň araňyzdadyr» diýip
jogap berdi. [22]Onsoň Isa şägirtlerine şeýle
diýdi: «Ynsan Oglunyň günlerinden birini
görmegi küýsejek wagtyňyz geler, emma
ol güni görmersiňiz. [23]Adamlar size: „Ine,
Ynsan Ogly şu ýerde!“ ýa-da „Anha, ol
ýerde!“ diýerler. Emma gitmäň, olaryň
yzyna düşmäň! [24]Ýyldyrym gögüň bir
ujundan çakyp, beýleki bir ujuny nähili
ýagtyldýan bolsa, Ynsan Ogly hem Öz
gününde şeýle bolar. [25]Emma Ol öňürti
köp görgi görüp, bu nesil tarapyndan ret
edilmelidir. [26]Nuhuň günlerinde nähili
bolan bolsa, Ynsan Oglunyň günlerin-
de-de şeýle bolar. [27]Adamlar Nuhuň gämä
münen gününe çenli iýip-içip, öýlenip,
durmuşa çykyp, arkaýyn ýaşap ýördü-
ler. Soňra äpet sil gelip, baryny ýok etdi.
[28]Lutuň günlerinde hem şonuň ýaly boldy:
adamlar iýip-içip, alyp-satyp, ekip-di-
kip ýördüler. [29]Emma Lutuň Sodomdan
çykan güni gökden ot bilen kükürt ýagyp,
hemmesini ýok etdi. [30]Ynsan Oglunyň
peýda boljak gününde hem şeýle bolar.
[31]Şol gün üçekdäki adam öýdäki zatlary-
ny almak üçin aşak düşmesin. Şeýle-de,
ekin meýdanyndaky hem yzyna gelmesin.
[32]Lutuň aýalyny ýada salyň! [33]Kim janyny
aýamaga çalyşsa, ony ýitirer, kim jany-
ny ýitirse, ony aman saklar. [34]Size şuny
aýdýaryn: şol gije bir düşekde iki adam
bolar, biri alnar, biri goýlar. [35]Bilelikde
bugdaý üweýän iki aýal bolar, biri alnar,
beýlekisi goýlar».[a] [37]Şägirtler Isa ýüzle-
nip: «Agam, bu hadysalar nirede bolar?»
diýip soradylar. Isa hem: «Maslyk nirede
bolsa, garaguşlar hem şol ýere üýşýändir»
diýip jogap berdi.

## 18-nji bap

### *Tutanýerli dul aýal tymsaly*

[1]Onsoň Isa şägirtlerine olaryň hemişe
Hudaýa doga edip, asla ruhdan düş-
mezligiň zerurlygy hakda bir tymsal
aýdyp berdi: [2]«Bir şäherde Hudaýdan
gorkmaýan bir kazy bar eken. Ol kazy
adamlary äsgermeýän eken. [3]Şol şäherde
bir dul aýal hem bar eken. Ol üznüksiz
kazynyň ýanyna gatnap: „Dawagä-
rimden meniň hakymy alyp ber“ diýip
ýalbarypdyr. [4]Kazy birnäçe wagtlap
muny etmändir. Ahyrsoňy ol öz-özü-
ne: „Men Hudaýdan gorkmasam-da,
adamlary äsgermesem-de, [5]dyngysyz
gelip, meni bizar etmez ýaly, bu dul
aýalyň hakyny alyp bereýin. Indi bir
gelip, meniň gulak etimi guratmasyn“
diýýär». [6]Reb Isa ýene sözüni dowam
etdi: «Adalatsyz kazynyň näme aýda-
nyna gulak asyň. [7]Eýsem, Hudaý Öz

[a] **17:35** Käbir golýazmalarda 36-njy aýat duş gelýär: *Ekin meýdanynda iki adam bolar, biri alnar, biri goýlar.*

**17:26-27** Gçk 6:5-8; 7:6-24. **17:28-30** Gçk 18:20-33; 19:24-25. **17:32** Gçk 19:26.

saýlanlarynyň, gije-gündiz Özüne ýüz
tutup perýat edýänleriň hakyny alyp ber-
mezmi? Olary köp garaşdyrarmy? 8 Size
şuny aýdýaryn: olaryň hakyny tiz alyp
berer. Ýöne Ynsan Ogly gelende, ýeriň
ýüzünde imanly adam taparmyka?»

### *Fariseý we salgytçy tymsaly*

9 Öz dogrulygyna bil baglap, beýle-
kileri kemsidýän käbir adamlara Isa
şu tymsaly gürrüň berdi: 10 «Iki adam
Hudaýa doga etmek üçin ybadathana
gidýär. Olaryň biri fariseý, beýlekisi sal-
gytçy eken. 11 Fariseý durup, özi hakda
içinden: „Hudaýym, men käbir adamlar
ýaly talaňçy, pis, zynahor däldigime,
hatda bu salgytçy ýaly-da däldigime
Saňa şükür edýärin. 12 Men hepdede iki
gezek agyz bekleýärin, ähli gazanjy-
myň ondan birini berýärin“ diýip doga
okaýar. 13 Salgytçy bolsa uzakda durup,
gabagyny göge galdyrmaga hem ýürek
etmeýär, gaýtam gursagyna urup: „Hu-
daýym, Men günäkäre rehim et!“ diýýär.
14 Men size fariseýiň däl-de, salgytçynyň
aklanyp gidendigini aýdýaryn, sebäbi
kim özüni ýokary tutsa, peseldiler, kim
özüni pes tutsa, beýgeldiler».

### *Çagalar bilen Isa*
*(Matta 19:13-15; Mark 10:13-16)*

15 Onsoň başlaryna elini goýsun diýip,
adamlar çagalary Isanyň ýanyna ge-
tirdiler. Muny gören şägirtler çagalary
getirenlere käýediler. 16 Emma Isa çaga-
lary ýanyna çagyryp: «Çagalary Meniň
ýanyma goýberiň, olary saklamaň, sebä-
bi Hudaýyň Şalygy şular ýalylaryňkydyr.
17 Size dogrusyny aýdýaryn: kim Huda-
ýyň Şalygyny çaga ýaly kabul etmese, ol
ýere asla girip bilmez» diýdi.

### *Baýlyk we baky ýaşaýyş*
*(Matta 19:16-30; Mark 10:17-31)*

18 Bir ýolbaşçy Isadan: «Eý, ýagşy Mu-
gallym! Men baky ýaşaýşy miras almak
üçin näme etmeli?» diýip sorady. 19 Isa
oňa: «Näme üçin Maňa ýagşy diýýärsiň?
Ýeke-täk Hudaýdan başga hiç kim ýag-
şy däldir. 20 Sen tabşyryklary bilýänsiň:
adam öldürme, zyna etme, ogurlyk etme,
ýalan şaýatlyk etme, ata-eneňe hormat
goý» diýip jogap berdi. Ol adam: «Men
bularyň hemmesini ýaşlygymdan bäri
berjaý edip gelýärin» diýdi. 21-22 Isa muny
eşidende, oňa: «Seniň ýene bir kemiň bar.
Nämäň bar bolsa satyp, garyplara paýla,
şonda gökde hazynaň bolar. Onsoň gel-
de, Meniň yzyma düş» diýdi. 23 Ol bu
sözleri eşidip, gaty tukat boldy, sebäbi
çakdanaşa baýdy. 24 Isa onuň tukatlygyny
görüp: «Baýlara Hudaýyň Şalygyna gir-
mek nähili agyr! 25 Bir düýäniň iňňäniň
gözünden geçmegi baý adamyň Hudaýyň
Şalygyna girmeginden aňsatdyr» diýdi.
26 Muny eşidenler: «Onda kim halas bo-
lup biler?» diýip soradylar. 27 Isa: «Ynsan
üçin mümkin däl zatlar Hudaý üçin
mümkindir» diýdi. 28 Petrus Oňa: «Ine,
biz ähli zadymyzy taşlap, Seniň yzyňa
düşdük!» diýdi. 29-30 Isa olara: «Size dog-
rusyny aýdýaryn: Hudaýyň Şalygynyň
hatyrasy üçin öýüni, aýalyny, doganla-
ryny, ene-atasyny, bala-çagasyny taşlan
her kes bu döwürde yzyna ençeme esse
artyk edip alar, geljek döwürde bolsa
baky ýaşaýşa gowşar» diýdi.

### *Isa ölüp direljegini ýene aýdýar*
*(Matta 20:17-19; Mark 10:32-34)*

31 Isa Onkileri bir çete çekip, olara: «In-
di Iýerusalime barýarys. Pygamberleriň

**18:20** Msr 20:12-16; Kan 5:16-20.

Ynsan Ogly hakda ýazanlarynyň ählisi
berjaý bolar! 32Ol keseki milletleriň eline
tabşyrylar. Olar Ony masgaralap kemsi-
derler, üstüne tüýkürerler, gamçylarlar
we öldürerler. 33Emma üçülenji gün Ol
direler» diýdi.
34Şägirtler bu zatlaryň hiç birine dü-
şünmediler. Bu sözleriň manysy olardan
gizlenilgidi. Olar Onuň näme hakda
gürrüň edýänini bilmediler.

### *Bir körüň gözi açylýar*
*(Matta 20:29-34; Mark 10:46-52)*

35Isa Ýeriho golaýlanda, ýoluň gy-
rasynda bir kör adam dilegçilik edip
otyrdy. 36Ol ýanyndan mähelläniň geçip
barýandygyny eşidip, munuň nämedi-
gini sorady. 37Oňa: «Nasyraly Isa geçip
barýar» diýip habar berdiler. 38Şonda
ol: «Eý, Dawut Ogly Isa! Maňa rehim
et!» diýip gygyrdy. 39Sesiň çykmasyn
diýip, öňden barýan köp adamlar oňa
käýediler, emma ol: «Eý, Dawut Ogly!
Maňa rehim et!» diýip, öňküden hem
gaty gygyrdy. 40Isa aýak çekip, ol ada-
my getirmeklerini buýurdy. Ýanyna
gelende, Isa ondan: 41«Seniň üçin nä-
me etmegimi isleýärsiň?» diýip sorady.
Ol: «Agam, gözlerim açylsyn!» diýdi.
42Isa oňa: «Goý, gözleriň açylsyn! Ima-
nyň saňa şypa berdi» diýdi. 43Şobada
bu adamyň gözleri açyldy we ol hem
Hudaýy şöhratlandyryp, Isanyň yzyna
düşüp gidiberdi. Muny gören ähli halk
Hudaýy alkyşlady.

## 19-njy bap

### *Isa bilen Zakkaý*

1Isa Ýerihonyň içinden geçip bar-
ýardy. 2Ol ýerde Zakkaý atly bir baý
adam bardy, ol salgytçylaryň başlygydy.
3Zakkaý Isanyň kimdigini görmek is-
ledi, emma onuň boýy gysga bolansoň,
mähelleden ýaňa Ony görüp bilmedi.
4Şeýlelikde, Ony görjek bolup, öňe ylgap,
bir injir agajynyň üstüne çykdy, sebäbi
Isa şol ýoldan gelýärdi. 5Isa ol ýere ge-
lende, ýokary seredip, Oňa: «Zakkaý!
Tiz aşak düş. Bu gün Men seniň öýüňde
galmaly» diýdi. 6Ol hem dessine aşak
düşüp, Ony şatlyk bilen kabul etdi. 7Halk
muny görüp: «Bir günäkäriň öýüne
myhman boldy» diýşip, hüňürdemäge
başlady. 8Zakkaý bolsa ýerinden turup,
Reb Isa: «Eý, Agam! Indi men baýlygy-
myň ýarysyny garyplara berjek. Kimiň
zadyny nähak alan bolsam, dört esse
edip gaýtaryp berjekdirin» diýdi. 9Isa
oňa: «Bu gün bu öý halas boldy, sebäbi
bu adam hem Ybraýymyň hakyky nes-
lidir. 10Ynsan Ogly ýitenleri agtarmaga
we halas etmäge gelendir» diýdi.

### *On hyzmatkär tymsaly*
*(Matta 25:14-30)*

11Bu zatlary diňläp durkalar, Isa bir
tymsal bilen sözüniň üstüni ýetirdi. Se-
bäbi Ol Iýerusalimiň golaýyndady, halk
hem Hudaýyň Şalygy basym görner
diýip oýlaýardy. 12Isa şonuň üçin şeý-
le diýdi: «Bir begzada şalyk sürmäge
ygtyýarlyk almak üçin, bir uzak ýurda
ýola rowana bolýar. 13Ol hyzmatkärle-
rinden onusyny ýanyna çagyryp, olara:
„Men gelýänçäm, şu puly işlediň“ diýip,
hersine bir horjun pul [a] berýär.
14Begzadanyň halky ony ýigrenýän
eken. Olar: „Bu adamyň biziň üstümizden
şalyk sürmegini islemeýäris“ diýip, onuň
yzyndan ilçiler iberýärler. 15Emma muňa
garamazdan, ol ygtyýarlyk alyp, yzyna

[a] **19:13** ***Bir horjun pul*** – grekçe *on mina*. Bir mina takmynan üç aýlyk gazanç puluna deňdir.

dolanýar. Soňra ol pul beren hyzmat-
kärlerini ýanyna çagyryp, kimiň näme
gazananyny bilmek isleýär. 16 Birinjisi ge-
lip: „Hojaýyn! Seniň bir horjun puluň on
horjun pul gazandy“ diýýär. 17 Oňa: „Be-
rekella, ýagşy hyzmatkär! Az zatda sadyk
bolanyň üçin on şähere häkim bol“ diýýär.
18 Ikinjisi gelip: „Hojaýyn! Seniň bir hor-
jun puluň bäş horjun pul gazandy“ diýýär.
19 Hojaýyny oňa hem: „Sen hem bäş şä-
here häkim bol“ diýýär. 20 Onsoň üçünji
hyzmatkäri gelip: „Hojaýyn! Ine, seniň
bir horjun puluň, men ony bir uly ýaglyga
düwüp sakladym. 21 Men senden gork-
dum, sebäbi sen gaty özdiýenli adam. Sen
goýmadyk ýeriňden alýarsyň, ekmedik
ýeriňden orýarsyň“ diýýär. 22 Hojaýyny
oňa: „Eý, erbet hyzmatkär, seni öz ag-
zyňdan çykan sözler bilen höküm ederin!
Asyl sen meniň özdiýenli adamdygymy,
goýmadygymy alýanymy, ekmedigimi
orýanymy bilýärmidiň? 23 Onda näme
üçin pulumy işletmäge bermediň? Men
gelenimde, ony peýdasy bilen alardym“
diýýär. 24 Onsoň hojaýyn ol ýerde du-
ranlara: „Onuň elinden puly alyň-da, on
horjunla beriň“ diýýär. 25 Olar oňa: „Ho-
jaýyn, onuň özünde öňem on horjun pul
bar ahyry!“ diýýärler. 26 Ol: „Men size
diýýärin, kimde bar bolsa, oňa berler,
kimde ýok bolsa, onuň elindäki hem al-
nar. 27 Üstlerinden patyşalyk etmegimi
islemeýän duşmanlarymy bolsa, şu ýere
getiriň-de, gözümiň alnynda öldüriň“ di-
ýip jogap berýär».

### *Isa Iýerusalime uly dabara bilen girýär*
*(Matta 21:1-11; Mark 11:1-11;*
*Ýohanna 12:12-19)*

28 Isa bulary aýdyp bolansoň, ýoluny
dowam etdirip, Iýerusalime tarap ugrady.
29 Ol Zeýtun dagynyň etegindäki Beýt-
fajy bilen Beýtaniýa golaýlanda, iki
şägirdini ýollap, olara: 30 «Öňüňizdäki
oba baryň. Oba giren ýeriňizde daňylgy
duran bir taýhar taparsyňyz, onuň üstüne
şu wagta çenli hiç kim münen däldir. Ony
çözüň-de, bäri alyp geliň. 31 Eger biri siz-
den: „Näme üçin ony çözýärsiňiz?“ diýip
sorasa, oňa: „Bu taýhar Rebbe gerek“
diýiň» diýdi. 32 Ýollananlar gidip, baryny
Onuň aýdyşy ýaly tapdylar. 33 Taýhary
çözüp durkalar, onuň eýeleri: «Taýhary
näme üçin çözýärsiňiz?» diýip soradylar.
34 Olar hem: «Bu taýhar Rebbe gerek»
diýdiler. 35 Taýhary Isanyň ýanyna geti-
rip, üstüne donlaryny atdylar-da, Isany
oňa mündürdiler. 36 Ol gidip barýarka,
adamlar donlaryny ýola düşeýärdiler.
37 Isa Zeýtun dagyndan aşak inýän ýola
golaýlanda, şägirtleriň hemmesi gören
ähli gudratlaryna şatlanyp, batly sesleri
bilen Hudaýy şöhratlandyrmaga başla-
dylar. 38 Olar: «Rebbiň adyndan patyşa
alkyş bolsun! Göklerde parahatlyk, iň
belentlikde şan-şöhrat bolsun!» diý-
ýärdiler. 39 Mähelläniň arasyndan käbir
fariseýler Isa: «Mugallym! Şägirtleriňiň
agzyny ýumdur!» diýdiler. 40 Emma Ol:
«Size aýdýaryn: olar dymsa, daşlar gy-
gyryşar» diýdi.

41 Isa Iýerusalime golaýlanda, ony
görüp aglady. 42 Ol şeýle diýdi: «Wah,
käşgä sen bu gün özüňe nämäniň
parahatlyk getirjekdigini bilsediň!
Emma bu entek seniň gözleriňden
gizlin. 43 Seniň başyňa şeýle bir günler
geler: duşmanlaryň daş-töweregiňe
garymlar gazyp, seni gabarlar, her
ýandan gysyp-gowrarlar. 44 Olar seni
weýran edip, seniň içiňdäki çagala-
ry gyryp taşlarlar. Sende daş üstünde

**19:38** Zeb 117:25.

daş goýmazlar, sebäbi sen Hudaýyň
saňa gelen pursadyny saýgarmadyň».

### *Isa satyjylary ybadathanadan kowýar*
*(Matta 21:12-17; Mark 11:15-19; Ýohanna 2:13-22)*

45 Onsoň Isa ybadathananyň howlusy-
na girip, ol ýerdäki satyjylary kowmaga
başlady. 46 Isa olara: «„Meniň öýüm yba-
dat öýi bolar“ diýip ýazylgydyr, emma
siz muny garakçylaryň sürenine öwrüp-
siňiz» diýdi. 47 Ol her gün ybadathananyň
howlusynda sapak berýärdi. Ýolbaşçy
ruhanylar, Töwrat mugallymlary we
halkyň baştutanlary bolsa Ony öldür-
megiň küýündediler. 48 Emma munuň
ýoluny tapyp bilmeýärdiler, sebäbi ähli
halk Ony uly üns bilen diňleýärdi.

## 20-nji bap

### *Isanyň erk-ygtyýary barada sowal*
*(Matta 21:23-27; Mark 11:27-33)*

1 Bir gün Isa ybadathananyň howlusyn-
da halka öwredip, Hoş Habary wagyz
edýärkä, ýolbaşçy ruhanylar, Töwrat mu-
gallymlary we ýaşulular Onuň ýanyna
geldiler. 2 Olar Isa: «Hany, bize aýt, Sen
bu zatlary haýsy ygtyýar bilen edýärsiň?
Bu ygtyýary Saňa kim berdi?» diýdi-
ler. 3 Isa hem: «Men hem size bir sowal
berjek. Maňa aýdyň, 4 Ýahýa çümdüriş
ygtyýaryny nireden aldy? Gökdenmi
ýa-da ynsandan?» diýip sorady. 5 Olar
muny özara maslahatlaşmaga başla-
dylar: «Eger Gökden diýsek, Ol bize:
„Onda näme üçin oňa ynanmadyňyz?“
diýer. 6 Eger-de ynsandan diýsek, ähli
halk bizi daşlar, sebäbi halk Ýahýanyň
pygamberdigine ynanýar». 7 Ahyry olar:
«Biz niredendigini bilemzok» diýip jo-
gap berdiler. 8 Isa-da olara: «Menem size
bu zatlary haýsy ygtyýar bilen edýänimi
aýtjak däl» diýdi.

### *Üzümçilik we kärendeçiler tymsaly*
*(Matta 21:33-46; Mark 12:1-12)*

9 Soňra Isa halka şu tymsaly gürrüň
bermäge başlady: «Bir adam üzüm
baglaryny oturdyp, ony bagbanlara kä-
rendesine berýär-de, özi uzak wagtlyk
başga ýurda gidýär. 10 Hasyl möwsümi
gelende, üzümiň miwesinden alyp gel-
mek üçin, ol hyzmatkärleriniň birini
kärendeçileriň ýanyna iberýär. Emma
kärendeçiler ony ýenjip, boş kowup goý-
berýärler. 11 Ol başga bir hyzmatkärini
iberýär, kärendeçiler ony-da ýenjip, mas-
gara edip, boş kowup goýberýärler. 12 Ol
üçünji hyzmatkärini-de iberýär. Olar
ony hem ýaralap, kowup goýberýärler.
13 Onsoň üzümçiligiň eýesi: „Men näme
etmeli? Gel, öz söwer oglumy ibereýin,
belki, ony sylarlar“ öýdýär. 14 Kären-
deçiler bolsa ony görenlerinden, özara
maslahatlaşyp: „Mirasdar şudur! Geliň,
şuny öldüreliň, miras bize galar“ diýiş-
ýärler. 15 Şeýlelikde, ony üzümçilikden
çykaryp öldürýärler. Indi üzümçiligiň
eýesi bulara näme eder? 16 Ol gelip, bu
kärendeçileri öldürer, üzümçiligi bolsa
başgalara berer». Halk muny eşidip:
«Daş edewersin!» diýdi. 17 Isa olara ba-
kyp: «Onda „Ussalaryň ret eden daşy,
binanyň burç daşy boldy“ diýen ýaz-
gynyň manysy näme? 18 Kim bu daşyň
üstüne ýykylsa, bölek-bölek bolar. Eger
ol biriniň üstüne gaçsa, ony mynjyra-
dar» diýdi. 19 Töwrat mugallymlary bilen
ýolbaşçy ruhanylar Ony şol wagtyň
özünde tutmagyň ýoluny agtardylar,

**19:46** Işa 56:7. **20:17** Zeb 117:22. **20:18** Işa 8:14-15.

sebäbi Onuň bu tymsaly özlerine kakdyryp aýdanyny aňdylar. Emma olar halkdan gorkýardylar.

### *Imperatoryňky – imperatora*
*(Matta 22:15-22; Mark 12:13-17)*

20 Isany göz astyna alyp, Ony aňtamak üçin, birnäçe dogruçylsumagy Onuň yzyna saldylar. Olar Isany gepde tutup, Ony häkimiň hökümine we ygtyýaryna tabşyrmak maksatlary bardy. 21 Şeýlelikde, olar Oňa: «Mugallym! Biz Seniň dogry zady öwredýändigiňi, adamlaryň derejesine bakman, Hudaýyň ýoluny hakykat bilen öwredýändigiňi bilýäris. 22 Hany aýt, biziň imperatora salgyt tölemegimiz dogrumy ýa-da dogry däl?» diýip soradylar. 23 Isa olaryň hilesine düşünip: 24 «Maňa salgyt puluny görkeziň. Bu teňňedäki şekil bilen ýazgy kimiňki?» diýdi. Olar: «Imperatoryňky» diýip jogap berdiler. 25 Ol: «Onda imperatoryňkyny – imperatora, Hudaýyňkyny Hudaýa beriň» diýdi. 26 Olar halkyň ýanynda Ony sözünde tutup bilmän, beren jogabyna haýran galyp, seslerini çykarmadylar.

### *Direliş barada sowal*
*(Matta 22:23-33; Mark 12:18-27)*

27 Ölümden soň direlişiň ýokdugyny aýdýan saddukeýleriň käbiri Isanyň ýanyna gelip, Oňa şeýle sorag berdi: 28 «Mugallym! Musa bize bir adamyň dogany perzentsiz ölüp, yzynda aýaly galsa, dogany onuň aýalyny alyp, ölen doganynyň neslini dowam etdirmelidir diýip ýazypdyr. 29 Ýedi dogan bardy. Birinjisi bir aýal alyp, perzent görmän dünýäden ötdi. 30 Ikinjisi bilen 31 üçünjisi hem şol aýaly aldy. Şeýdip, ýedisi hem şol aýala öýlenip, yzlarynda perzent galdyrman öldüler. 32 Ahyrsoňy aýal hem öldi. 33 Indi direliş güni bu aýal olaryň haýsysynyň aýaly bolar? Olaryň ýedisi hem oňa öýlenipdi ahyryn». 34 Isa olara şeýle jogap berdi: «Bu döwrüň adamlary öýlenýändir, durmuşa çykýandyr. 35 Emma geljek döwre we ölümden direlişe ýetmäge mynasyp görlenler ne öýlener, ne-de durmuşa çykar. 36 Asla ölmezler, sebäbi olar perişdeler ýalydyr. Olar direlişiň perzentleridikleri üçin Hudaýyň perzentleridir. 37 Musa-da ölüleriň direlýändigini tassyklap, ýanýan çaly baradaky bölümde Rebbi „Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň Hudaýy“ diýip atlandyrýar. 38 Ol ölüleriň däl-de, dirileriň Hudaýydyr, sebäbi Onuň üçin hemmeler diridir». 39 Töwrat mugallymlaryň käbiri: «Mugallym, gowy aýtdyň!» diýdi. 40 Oňa mundan artyk sorag bermäge hiç kim milt etmedi.

### *Mesih Kimiň Ogly?*
*(Matta 22:41–23:36; Mark 12:35-40)*

41 Onsoň Isa olara: «Näme üçin Mesihe Dawudyň ogly diýýärler? 42 Ine, Dawudyň özi Zebur kitabynda şeýle diýýär:

„Hudaý Rebbime[a] şeýle sözledi:
43 Duşmanlaryňy aýak astyna
salýançam,
Meniň sagymda otur“.

44 Eger Dawut Mesihe Reb diýýän bolsa, Ol nähili Dawudyň ogly bolýar?»

---

[a] **20:42** ***Reb*** – Zeburda bu söz *reb* bolup, patyşa ýüzlenilende ulanyldy, bu ýerde bolsa *Reb* Mesihe degişli.

---

**20:28** Kan 25:5-6. **20:37** Msr 3:6. **20:42-43** Zeb 109:1.

diýdi. 45 Bütin halk Oňa gulak asyp
otyrka, Isa şägirtlerine: 46 «Töwrat mu-
gallymlaryndan ägä boluň! Olar uzyn
don geýip gezmegi, bazarlarda özlerine
salam berilmegini, sinagogalarda baş
kürsüleri, meýlislerde töri halaýandyr-
lar. 47 Olar dul aýallaryň öýlerini talap,
göz üçin uzyn-uzyn dogalar okan bol-
ýandyrlar. Şeýle adamlar iň agyr jeza
sezewar bolarlar» diýdi.

## 21-nji bap

### *Dul aýalyň sadakasy*
*(Mark 12:41-44)*

1 Isa gabagyny galdyryp seredende,
baýlaryň ybadathananyň sadaka gutu-
syna öz sadakalaryny atyp duranyny
gördi. 2 Ol bir garyp dul aýalyň hem
guta iki şaý atanyny gördi. 3 Ol: «Size
dogrusyny aýdýaryn, bu garyp dul aýal
hemmelerden köp atdy. 4 Bu adamlaryň
hemmesi sadaka gutusyna özlerinden ar-
tany atdylar, bu aýal bolsa garyplygyna
garamazdan, bar-ýoguny, elindäki ähli
çörek puluny atdy» diýdi.

### *Ynsan Oglunyň dolanyp gelmeginiň alamatlary*
*(Matta 24:1-21,29-35;*
*Mark 13:1-19,24-31)*

5 Şägirtlerden käbiri ybadathananyň
ajaýyp daşlar we Hudaýa bagyş edilen
peşgeşler bilen bezelendigi barada söz
açdy. Şonda Isa: 6 «Şeýle bir günler geler,
şonda bu ýerde daş üstünde daş galmaz,
görýän zatlaryňyzdan hiç zat galman,
hemmesi weýran bolar» diýdi. 7 Olar Isa-
dan: «Mugallym! Bu zatlar haçan bolar?
Bularyň boljak mahalynda nähili alamat
peýda bolar?» diýip soradylar. 8 Isa: «Ägä
boluň, hiç kim sizi aldaýmasyn! Köpler
Meniň adym bilen gelip: „Men – Şolduryn“
we „Wagt golaýlady!“ diýerler. Olaryň
yzyna düşmäň. 9 Uruşlar hem gozgalaňlar
barada habarlar eşideniňizde gorkmaň.
Bu zatlar öňürti bolmalydyr, emma entek
soňy däldir» diýip jogap berdi. 10 Onsoň Isa
olara şeýle diýdi: «Millet millete, patyşa-
lyk patyşalyga garşy çykar. 11 Aýry-aýry
ýerlerde güýçli ýertitremeler, açlyk hem
gyrgyn keseli, gorkunç wakalar, gökden
uly alamatlar bolar. 12 Emma bu hady-
salaryň hemmesinden öň, sizi yzarlap,
azar bererler. Sizi sinagogalara tabşyryp,
türmelere dykarlar. Men sebäpli sizi pa-
tyşalaryň we hökümdarlaryň huzuryna
elterler. 13 Bu bolsa şaýatlyk etmek üçin
size bir pursat bolar. 14 Emma siz özüňizi
nähili gorajakdygyňyzy öňünden gaýgy
etmezligi ýüregiňize düwüň. 15 Munuň
üçin Men size söz hem akyldarlyk bererin.
Size garşy çykýanlaryň hiç biri muňa ne
garşy durup biler, ne-de bir zat aýdyp
biler. 16 Size ene-ataňyz, doganlaryňyz,
garyndaşlaryňyz, dostlaryňyz hem haýyn-
lyk ederler, käbiriňizi öldürerler. 17 Men
sebäpli hemmeler sizi ýigrener. 18 Emma
saçyňyzyň bir tary hem kemelmez. 19 Berk
duruň, şonda janyňyzy halas edersiňiz.
20 Goşunlaryň Iýerusalimi gabandygy-
ny gören çagyňyz, onuň weýran ediljek
wagtynyň golaýlandygyny biliň. 21 Şonda
Ýahudyýadakylar daglara gaçsyn, şähe-
riň içindäkiler çyksyn, töweregindäkiler
şähere girmesin. 22 Sebäbi şol günler ähli
ýazylanlaryň berjaý bolmagy üçin jeza
günleridir. 23 Ol günlerde göwreli aýalla-
ryň we çaga emdirýänleriň dat gününe!
Sebäbi ýurda äpet bela-beterler iner, bu
halk gazaba duçar bolar. 24 Olar gylyçdan
geçiriler, ýesir alnyp, ähli milletleriň
arasyna sürgün ediler. Keseki milletler
özleriniň möhleti dolýança, Iýerusalimi
ýer bilen ýegsan ederler. 25 Günde, Aýda
we ýyldyzlarda alamatlar peýda bolar. Ýer

ýüzünde milletler deňiz hem tolkunlaryň
gürrüldisi zerarly başagaý bolup, gala-
gopluga düşerler. 26 Adamlar gorkudan,
dünýäniň başyna gelýän betbagtçylyklara
garaşmakdan ýaňa huşlaryny ýitirer, sebä-
bi asman jisimleri lerzana geler. 27 Şonda
olar Ynsan Oglunyň beýik gudrata we
şöhrata beslenip, bulutlarda gelýänini
görerler. 28 Bu zatlar amala aşyp başlan-
da, başyňyzy galdyryp, ýokary serediň,
sebäbi gutulyşyňyz golaýlap gelýändir».

29 Isa olara bir tymsal aýtdy: «Injire, ähli
agaçlara serediň. 30 Olaryň ýapraklan-
dygyny görüp, tomsuň golaýlandygyny
öz-özüňizden bilýärsiňiz. 31 Şonuň ýaly
hem, bu wakalaryň bolanyny göreniňiz-
de, Hudaýyň Şalygynyň golaýlandygyny
biliň. 32 Size dogrusyny aýdýaryn: bu
zatlar bolýança, bu nesil dünýäden ötmez.
33 Asman bilen ýer öter, emma Meniň söz-
lerim asla ötmez. 34 Ägä boluň! Aýşy-eşret,
serhoşlyk, ýaşaýşyň gaýgylary ýüregiňize
ornamasyn. Ýogsam, ol gün duzak kimin
duýdansyz üstüňizden iner. 35 Çünki ol
gün tutuş ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň her
biriniň üstünden iner. 36 Bu boljak waka-
laryň baryndan gaçyp gutular ýaly we
Ynsan Oglunyň huzurynda durup biler ýa-
ly, hemişe oýa bolup, Hudaýa dileg ediň».

37 Isa gündizlerine ybadathananyň
howlusynda halka öwrederdi, agşam-
laryna bolsa şäherden daşary çykyp,
gijäni Zeýtun dagynda geçirerdi. 38 Ir
säher bilen ähli halk Onuň gürrüňle-
rini diňlemek üçin ybadathana gelerdi.

## 22-nji bap

### *Ýudasyň haýynlygy*

*(Matta 26:1-5,14-16;*
*Mark 14:1,2,10,11; Ýohanna 11:45-53)*

1 Ine, Pesah diýlip atlandyrylýan Pe-
tir baýramy ýakynlaşdy. 2 Ýolbaşçy
ruhanylar bilen Töwrat mugallymlary
Isany öldürmegiň ýoluny agtarýar-
dylar, emma halkdan gorkýardylar.
3 Şeýtan Onkileriň biri bolan Ýudas
Iskariýodyň kalbyna girdi. 4 Ýudas
ýolbaşçy ruhanylar bilen serkerdele-
riň ýanyna baryp, Isany nädip olaryň
eline salyp berjekdigi barada masla-
hatlaşdy. 5 Olar hem begenişip, oňa
pul bermäge razy boldular. 6 Ýudas
olar bilen ylalaşdy we halk ýok wagty
Isany olara tabşyrmak üçin, amatly
pursat peýläp gezdi.

### *Pesah nahary*

*(Matta 26:17-30; Mark 14:12-26;*
*Ýohanna 13:21-30;*
*1 Korintoslylar 11:23-25)*

7 Pesah janlysynyň soýulýan gü-
ni, ýagny Petir baýramy ýetip geldi.
8 Isa: «Gidiň-de, biziň üçin Pesah na-
haryny taýýarlaň» diýip, Petrus bilen
Ýohannany iberdi. 9 Olar: «Ony nirede
taýýarlamagymyzy isleýärsiň?» diýip
soradylar. 10 Isa olara: «Şähere gireniňiz-
de, küýzede suw alyp barýan bir adama
sataşarsyňyz. Yzyna düşüp gidiň-de,
onuň giren öýüne giriň. 11 Onsoň öý
eýesine: „Mugallym senden şägirtle-
rim bilen Pesah naharyny iýer ýaly,
myhman otagy nirede diýip soraýar“
diýiň. 12 Ol hem size ýokarky gatda ähli
zat taýýarlanyp goýlan giň bir otagy
görkezer. Şol ýerde taýýarlyk görüň»
diýdi. 13 Olar gitdiler we ähli zady Isa-
nyň aýdyşy ýaly tapyp, Pesah naharyny
taýýarladylar.

14 Nahar wagty bolanda, Isa resullary
bilen saçak başyna geçdi. 15 Isa olara:
«Men bu Pesah naharyny ejir çekme-
zimden öň, siziň bilen bile iýmegi gaty
arzuw edipdim. 16 Çünki Hudaýyň Şa-
lygynda Pesah naharyny iýmek üçin

hemmämiz ýygnanýançak, Men ondan
gaýdyp iýmerin» diýdi. 17 Isa eline bir
käse alyp şükür etdi-de: «Muny alyň-da,
içiň. 18 Size şuny aýdýaryn: Hudaýyň
Şalygy gelýänçä, şeraby gaýtadan iç-
merin» diýdi. 19 Onsoň çöregi aldy-da,
şükür etdi, ony döwüp, şägirtlere berip:
«Bu Meniň siziň üçin gurban edilýän
bedenimdir, muny Meni ýada salmak
üçin berjaý ediň» diýdi. 20 Şeýle hem
nahardan soň şeraply käsäni alyp: «Bu
käse Meniň siziň üçin dökülýän ganym
arkaly baglanyşylýan täze ähtdir. 21 Ine,
Maňa haýynlyk etjek adam Meniň bi-
len bir saçagyň başynda otyr. 22 Hawa,
Ynsan Ogly öňünden bellenişi ýaly
jan berer, emma Oňa haýynlyk ede-
niň halyna waý!» diýdi. 23 Olar muny
kimiň etjekdigini biri-birlerinden sorap
başladylar.

24 Olar öz arasynda haýsy birisiniň
iň beýikdigi hakda jedelleşdiler. 25 Isa
olara şeýle diýdi: «Keseki milletle-
riň patyşalary halklara öz hökümini
ýöredýärler, ygtyýarly adamlary-da
özlerini hemaýatkär diýip atlandyr-
ýarlar. 26 Emma siz beýle bolmaň.
Araňyzda iň uly iň kiçi ýaly bolsun,
baştutan, goý, hyzmatkär kimin bol-
sun. 27 Haýsysy has uly: saçak başynda
oturanmy ýa-da hyzmat edýän? Sa-
çak başynda oturan dälmi? Emma
Men siziň araňyzda bir hyzmat edýän
kimindirin. 28 Başymdan geçiren sy-
naglarymda Meniň ýanymda bolan
sizsiňiz. 29 Atamyň Meni Patyşa bel-
leýşi ýaly, Men-de sizi patyşa edip
belleýärin. 30 Siz Meniň Şalygymda
iýip-içersiňiz we tagtlarda oturyp,
Ysraýylyň on iki tiresiniň üstünden
kazylyk edersiňiz».

### *Isa Petrusyň inkär etjekdigini aýdýar*

*(Matta 26:31-35; Mark 14:27-31; Ýohanna 13:36-38)*

31 Onsoň Isa sözüni dowam edip: «Eý,
Simun, Simun! Şeýtan sizi bugdaý ýaly
sowurmak üçin diledi. 32 Emma Men
imanyň kemelmesin diýip, seniň üçin
dileg etdim. Sen hem bir wagt öwrülip
geleniňde, doganlaryňy kuwwatlandyr»
diýdi. 33 Petrus: «Agam! Men Seniň bilen
zyndana-da, hatda ölüme-de gitmäge
taýýar» diýdi. 34 Isa: «Petrus, saňa diý-
ýärin, sen bu gün horaz gygyrmazdan
öň, Meni tanamaýandygyňy üç gezek
aýdarsyň» diýdi. 35 Onsoň Isa olardan:
«Men sizi gapjyksyz, torbasyz we ça-
ryksyz ýollan çagym kem zadyňyz
barmydy?» diýip sorady. Olar: «Ýok-
dy» diýip jogap berdiler. 36 Isa olara:
«Indi gapjygyňyz bar bolsa, ýanyňyza
alyň, bir torba hem alyň. Gylyjyňyz
ýok bolsa, donuňyzy satyň-da, bir gy-
lyç ediniň. 37 „Ol ýazyklylar bilen bir
saýyldy“ diýip ýazylgydyr. Men size
diýýärin: bu Men barada berjaý bol-
malydyr. Dogrudan-da, Men hakda
ýazylanlar berjaý bolup barýar» diýdi.
38 Şägirtler: «Eý, Agam! Ine, bu ýerde
iki gylyç bar» diýdiler. Isa hem olara:
«Şol ýeterlik» diýdi.

### *Isa Zeýtun dagynda Hudaýa dileg edýär*

*(Matta 26:36-46; Mark 14:32-42)*

39 Isa daşary çykyp, hemişekisi ýaly
Zeýtun dagyna gitdi. Şägirtleri hem
Onuň yzyna düşdüler. 40 Ol ýere baran-
larynda, Isa olara: «Synaga düşmez ýaly
dileg ediň!» diýdi. 41 Özi bolsa olardan

**22:37** Işa 53:12.

bir daş atym çete çekildi-de, dyza çöküp:
42 «Eý, Atam! Eger isleseň, bu hasrat kä-
sesini Menden sowa geçir! Ýöne Meniň
islegim däl, Seniň islegiň amala aşsyn!»
diýip, dileg etmäge durdy. 43 Gökden
bir perişde görnüp, Ony güýçlendirdi.
44 Ol agyr gama batyp, yhlas bilen Hu-
daýa dileg etdi. Isadan akýan der ýere
damýan gan damjalary ýalydy. 45 Dileg
edip bolandan soň turup, Isa şägirtleriň
ýanyna geldi. Olaryň uklap ýatandykla-
ryny gördi, olar gaýgy-hasratdan ýaňa
tapdan düşüpdiler. 46 Isa olara: «Näme
üçin uklap ýatyrsyňyz? Synaga düşmez
ýaly, turuň-da, Hudaýa dileg ediň!» diýdi.

### *Isa tutulýar*

*(Matta 26:47-58; Mark 14:43-54; Ýohanna 18:3-11)*

47 Ol entek gepläp durka, bir mähelle
peýda boldy. Onkileriň biri Ýudas mä-
helläniň öňüne düşüp gelýärdi. Ýudas
Isany ogşajak bolup, Onuň golaýyna
geldi. 48 Isa oňa: «Eý, Ýudas! Sen bir
ogşuk bilen Ynsan Ogluna haýynlyk
edýärsiňmi?» diýip sorady. 49 Isanyň ýa-
nyndakylar näme boljagyny görüp: «Eý,
Agam! Gylyç bilen uralymy?» diýdiler.
50 Olaryň biri baş ruhanynyň hyzmat-
kärini urup, onuň sag gulagyny kesdi.
51 Emma Isa: «Hany, bes ediň!» diýdi.
Onsoň hyzmatkäriň gulagyna elini deg-
rip, ony sagaltdy. 52 Onsoň Isa Özüni ele
salmaga gelen ýolbaşçy ruhanylara, yba-
dathananyň goragçylaryna, ýaşululara
ýüzlenip: «Näme üçin bir gozgalaňçynyň
garşysyna çykan ýaly, Meni tutmak üçin
gylyçly hem taýakly gelipsiňiz? 53 Men
her gün siziň bilen birlikde ybadathana-
dakam, Meni tutmandyňyz. Emma indi
bu pursat siziňkidir, tümlügiň höküm
sürýän sagadydyr» diýdi. 54 Isany tutup,
baş ruhanynyň öýüne alyp gitdiler. Pet-
rus hem gara görnümden olaryň yzyna
düşüp gitdi.

### *Petrus Isany inkär edýär*

*(Matta 26:67-75; Mark 14:65-72; Ýohanna 18:15-18,25-27)*

55 Howlynyň ortasynda ot ýakyp
otyrkalar, Petrus-da olaryň arasynda
otyrdy. 56 Petrusy oduň ýagtysyna gö-
ren bir keniz oňa içgin seretdi-de: «Bu
adam hem Onuň bilen biledi» diýdi.
57 Emma Petrus: «Eý, zenan, men Ony
tanamaýaryn» diýip inkär etdi. 58 Az
salymdan soň başga biri ony görüp:
«Sen hem şolardan» diýdi. Emma Pet-
rus: «Gardaş, men olardan däl» diýdi.
59 Aradan bir sagada golaý wagt geçen-
soň, başga bir adam: «Dogrudan-da,
bu adam Onuň bilen biledi, sebäbi bu
jelileli» diýdi. 60 Emma Petrus: «Eý,
gardaş, men seniň näme aýdýanyňy
bilemok» diýdi. Edil şol wagt, Petrus
gepläp durka, horaz gygyrdy. 61 Reb
Isa gaňrylyp, Petrusa seretdi. Petrus
Rebbiň: «Horaz gygyrmazdan öň, sen
Meni üç gezek inkär edersiň» diýen
sözüni ýatlady. 62 Petrus daşary çykyp,
möňňürip aglady. 63 Isany saklaýan
adamlar Ony masgaralap, urmaga
başladylar. 64 Gözüni daňyp: «Hany,
welilik et! Seni uran kim?» diýip so-
radylar. 65 Ýene-de Oňa ençeme hapa
sözler aýtdylar.

### *Isa mejlisiň öňünde*

*(Matta 26:59-66; Mark 14:55-64; Ýohanna 18:19-24)*

66 Daň atanda, ýolbaşçy ruhanylar
we Töwrat mugallymlary halkyň beý-
leki ýaşululary bilen ýygnanyşyp, Ony
özleriniň mejlisine getirdiler. 67 Olar
Isadan: «Bize aýt, Sen Mesihmi?» diýip
soradylar. Isa olara: «Aýtsam, ynanmar-

syňyz; [68]sorasam, jogap bermersiňiz.
[69]Emma mundan beýläk Ynsan Ogly
gudratly Hudaýyň sagynda oturar»
diýdi. [70]Olaryň hemmesi: «Onda Sen
Hudaýyň Ogly-da?» diýip sorady. Isa
olara: «Meniň Kimdigimi özüňiz aýdyp
dursuňyz» diýip jogap berdi. [71]Olar:
«Bize mundan başga şaýatlyk nämä
gerek? Biz muny Onuň Öz dilinden
eşitdik ahyry» diýişdiler.

## 23-nji bap

***Isa Pilatyň we Hirodyň öňünde***
*(Matta 27:1,2,11-26; Mark 15:1-15;*
*Ýohanna 18:28–19:16)*

[1]Onsoň mejlisiň ähli agzalary ýer-
lerinden turup, Isany Pilatyň ýanyna
getirdiler. [2]Olar Isany ýazgarmaga baş-
ladylar: «Biz bu adamyň milletimizi
azdyrýandygyny gördük. Ol imperatora
salgyt tölemäge garşy çykýar we Özüni
Mesih hem Patyşa diýip atlandyrýar».
[3]Pilat Ondan: «Sen ýahudylaryň patyşa-
symy?» diýip sorady. Isa oňa: «Aýdyşyň
ýalydyr» diýip jogap berdi. [4]Onsoň Pilat
ýolbaşçy ruhanylar bilen halka: «Men
bu adamda hiç hili etmiş görmedim»
diýdi. [5]Emma olar hötjetlik edip: «Bu
adam Öz taglymaty bilen tutuş Ýahudy-
ýanyň ilatyny öjükdirýär. Ol Jelileden
başlap, şu ýere çenli geldi» diýdiler.
[6]Muny eşidip, Pilat: «Bu adam jelile-
limi?» diýip sorady. [7]Isanyň Hirodyň
welaýatyndandygyny bilensoň, Pilat
Ony Hirodyň ýanyna iberdi, sebäbi şol
wagt Hirodyň özi hem Iýerusalimdedi.
[8]Hirod Isany görüp gaty begendi, sebäbi
köp wagtdan bäri Ony görmek isleýärdi.
Ol baradaky eşiden ençeme zatlaryna
görä, Ondan bir gudratly alamat görerin
diýen umydy bardy. [9]Hirod Ondan köp
soraglar sorady, emma Isa oňa hiç bir
jogap bermedi. [10]Ýolbaşçy ruhanylar
bilen Töwrat mugallymlary bolsa ol
ýerde durup, Ony biragyzdan aýyp-
laýardylar. [11]Soňra Hirod bilen onuň
esgerleri Isany kemsidip masgaraladylar.
Egnine bir nepis don geýdirip, Pilatyň
ýanyna yzyna iberdiler. [12]Şol gün Pilat
bilen Hirod dost boldy; mundan öň
olaryň arasynda duşmançylyk bardy.
[13]Pilat ýolbaşçy ruhanylary, baştutan-
lary we halky üýşürip, [14]olara: «Siz bu
adamy meniň ýanyma halky azdyrýar
diýip getirdiňiz. Men Ony gözüňiziň
alnynda soraga çekdim, emma Ol bara-
daky aýyplamalaryňyz dogry çykmady.
[15]Ony Hirodyň ýanyna iberdim, ol hem
hiç günä tapman, Ony yzyna iberdi. Si-
ziň görşüňiz ýaly, Ol ölüme laýyk hiç
zat etmändir. [16]Şonuň üçin hem, men
Onuň temmisini berip, boşatjak» diý-
di. [a] [18]Emma ähli halk biragyzdan: «Bu
adamy ýok et! Bize Barabbasy boşat!»
diýip gygyryşdy. [19]Barabbas şäherde
ýüze çykan bir gozgalaňa gatnaşandygy
we ganhordugy üçin zyndana salnyp-
dy. [20]Pilat Isany boşatmak niýeti bilen
ýene-de halka ýüzlendi. [21]Emma olar:
«Ony haça çüýle! Haça çüýle!» diýip
gygyryşdylar. [22]Pilat üçünji gezek olara:
«Näme üçin? Bu adam näme ýaman-
lyk etdi? Men Ondan ölüm jezasyna
laýyk hiç zat tapmadym. Şonuň üçin
hem Ony jezalandyryp boşatjak» diý-
di. [23]Emma olar seslerini has gataldyp,
hötjetlik bilen Onuň haça çüýlenmegini
talap etdiler we olaryň sesi üstün çykdy.
[24]Şeýlelik bilen, Pilat olaryň talabyny

[a] **23:16** Käbir golýazmalarda 17-nji aýat duş gelýär: *Pilat baýramçylyk mynasybetli halka bir adamy boşadyp bermelidi.*

berjaý etmek kararyna geldi. 25 Olaryň
soran adamyny, gozgalaň turzup, adam
öldüreni üçin zyndana salnan adamy
boşatdy, Isany bolsa olaryň ygtyýa-
ryna berdi.

### *Isa haça çüýlenýär*
*(Matta 27:32-44; Mark 15:21-32; Ýohanna 19:17-27)*

26 Esgerler Isany alyp barýarkalar,
ekin meýdanyndan gelýän kirineýli
Simuny tutup, arkasyna haçy ýüklediler
we Isanyň yzyndan ýöremäge mejbur
etdiler. 27 Uly bir mähelle Isanyň yzy-
na düşüp gitdi, olaryň arasynda Onuň
üçin zaryn-zaryn aglaýan aýallar hem
bardy. 28 Isa ol aýallara tarap öwrülip,
şeýle diýdi: «Eý, Iýerusalim gyzlary!
Meniň üçin aglamaň. Özüňiz we ça-
galaryňyz üçin aglaň. 29 Çünki şeýle
bir günler geler, adamlar: „Önelgesiz
aýallar, dogurmadyk ýatgylar, çaga
emdirmedik göwüsler neneňsi bagt-
ly!“ diýerler. 30 Şonda daglara: „Biziň
depämize iniň!“, depelere: „Bizi örtüň!“
diýerler. 31 Eger adamlar gök daragta
şeýle zatlar edýän bolsalar, onda gury
daragta näme bolar?» 32 Isa bilen başga
iki jenaýatçyny hem jezalandyrmak üçin
alyp barýardylar. 33 Olar Kelleçanak
diýilýän ýere gelenlerinden soň, Isany
ýaňky jenaýatçylar bilen birlikde haça
çüýlediler. Jenaýatçylaryň biri Onuň sag
tarapynda, beýlekisi çep tarapyndady.
34 Isa: «Atam! Olary bagyşla, sebäbi
olar näme edýänlerini bilenoklar» diýdi.
Esgerler bije atyşyp, Onuň eşikleri-
ni paýlaşýardylar. 35 Halk Oňa seredip
durdy. Ýolbaşçylar hem Onuň üstünden
gülüp: «Ol özgeleri halas etdi. Eger Ol
Hudaýyň saýlap-seçen Mesihi bolsa,
goý, indi Özüni hem halas etsin-dä!»
diýişýärdiler. 36 Esgerler hem ýanyna
gelip, Ony masgaralaýardylar. Oňa sirke
hödür edip: 37 «Ýahudylaryň patyşasy
bolsaň, Özüňi halas et-dä!» diýýärdiler.
38 Onuň depesinde bolsa[a]: «BU ÝAHU-
DYLARYŇ PATYŞASYDYR» diýen
ýazgy bardy. 39 Çüýlenen jenaýatçylaryň
biri Oňa ýaňsylap: «Sen Mesih dälmi
näme? Onda Özüňi-de, bizi-de halas
et-dä!» diýdi. 40 Ikinji jenaýatçy bolsa
muny aýdana käýäp: «Sen Hudaýdan
gorkaňokmy? Sen hem Onuň bilen bir
jezany çekýärsiň! 41 Biz öz etmişimize
laýyk adalatly jeza aldyk. Emma bu
adam hiç hili erbetlik etmedi ahyry»
diýdi. 42 Onsoň ol: «Isa, Şalygyňa ba-
ran çagyň meni ýatlagyn!» diýdi. 43 Isa
hem oňa: «Saňa dogrusyny aýdýaryn,
sen şu gün Meniň bilen bile jennetde
bolarsyň» diýdi.

### *Isanyň ölümi*
*(Matta 27:45-56; Mark 15:33-41; Ýohanna 19:28-30)*

44-45 Wagt günortana golaýlanda, Gü-
nüň ýüzi tutuldy, öýlän sagat üçe çenli
tutuş ýurdy garaňkylyk gaplap aldy.
Ybadathananyň perdesi ortarasyndan
ýyrtylyp, ikä bölündi. 46 Isa gaty ses
bilen gygyryp: «Atam! Ruhumy Se-
niň eliňe tabşyrýaryn» diýdi-de, jan
berdi. 47 Ýüzbaşy bolan wakany görüp,
Hudaýy şöhratlandyrdy. Ol: «Bu, ha-
kykatdan-da, dogry adam eken!» diýdi.
48 Bu zatlara tomaşa etmek üçin üýşen
ähli halk bolan wakalary görüp, döşlerini

---

[a] **23:38** Käbir golýazmalarda *grekçe, latynça we ýewreýçe* diýen jümle hem bar.

---

**23:30** Hoş 10:8. **23:46** Zeb 30:6.

ýumruklaý-ýumruklaý yzlaryna gaýtdy.
[49]Isany tanaýan adamlaryň bary, şeýle-
de Jelileden Onuň yzyna düşüp gaýdan
aýallar uzagrakda durup, bu wakalara
syn edýärdiler.

### *Isa jaýlanýar*

*(Matta 27:57-61; Mark 15:42-47; Ýohanna 19:38-42)*

[50]Mejlis agzalaryndan Ýusup atly bir
adam bardy. Ol oňat hem dogruçyl adam-
dy. [51]Özi-de mejlisiň kararyna we işine
razylyk bermändi. Ýusup Ýahudyýanyň
Arimatiýa şäherinden bolup, Hudaýyň
Şalygyna garaşýardy. [52]Ol Pilatyň ýany-
na baryp, Isanyň jesedini diledi. [53]Onsoň
Ony aşak düşürip, kepene dolap, gaýa-
da oýulan we henize çenli hiç kimiň
jaýlanmadyk mazarynda jaýlady. [54]Bu
iş Taýýarlyk gününiň ahyrynda bolup,
Sabat gününiň başlanmagyna golaýdy.
[55]Isa bilen Jelileden gelen aýallar hem
Ýusubyň yzyna düşüp gitdiler-de, maza-
ry we Onuň jesediniň nähili jaýlananyny
gördüler. [56]Onsoň olar öýlerine gaý-
dyp, ýakymly ysly tütetgiler we atyrlar
taýýarladylar.

Emma Hudaýyň buýrugy boýunça Sabat güni olar dynç aldylar.

## 24-nji bap

### *Isa direlýär*

*(Matta 28:1-10; Mark 16:1-8; Ýohanna 20:1-10)*

[1]Hepdäniň birinji güni [a] ir säher bilen
aýallar taýýarlan ýakymly ysly tütet-
gilerini alyp, mazara bardylar. [2]Olar
mazaryň agzyndaky daşyň bir çete
togalanandygyny gördüler. [3]Mazaryň
içine girenlerinde bolsa, Reb Isanyň
jesedini tapmadylar. [4]Muňa haýran bo-
lup durkalar, garşylarynda lowurdaýan
lybasda iki sany adam birdenkä peýda
boldy. [5]Aýallar gorkup, başlaryny ýere
egdiler. Ýaňky adamlar olara: «Siz näme
üçin dirini ölüleriň arasyndan gözle-
ýärsiňiz? [6]Ol bu ýerde ýok, Ol direldi!
Ol heniz siziň bilen bilekä Jelilede özü-
ňize aýdan zatlaryny ýadyňyza salyň.
[7]Ol: „Ynsan Ogly günäli adamlaryň
eline tabşyrylmaly, haça çüýlenmeli
we üçülenji gün direlmelidir“ diýip-
di» diýdiler. [8]Onsoň Isanyň bu sözleri
olaryň ýadyna düşdi.
[9]Aýallar mazardan dolanyp gelip, bu-
laryň baryny Onbirlere we beýlekileriň
hemmesine habar berdiler. [10]Resullara
bu habary ýetirenler magdalaly Merýem,
Ýowanna, Ýakubyň ejesi Merýem we
olaryň ýanyndaky beýleki aýallardy.
[11]Emma bu sözler resullara boş görün-
di, olar aýallara ynanmadylar. [12]Petrus
bolsa ýerinden turup, mazara tarap
eňdi. Ol eglip, kepeniň boş ýatanyny
gördi. Ol bolan waka geň galyp, yzy-
na dolandy.

### *Isa Emmausa barýanlara görünýär*

*(Mark 16:12,13)*

[13]Şol gün şägirtlerden ikisi Emmaus
diýen oba barýardy. Bu oba Iýerusalim-
den on çakrym [b] uzaklykda ýerleşýärdi.
[14]Olar bolup geçen bu wakalar hakda
özara gürleşýärdiler. [15]Şeýlelikde, geple-
şip, pikir alşyp barýarkalar, Isanyň Özi
golaýa gelip, olar bilen bile ýöräberdi.
[16]Ýöne Ony tanamaz ýaly, olaryň gözleri
baglanypdy. [17]Isa olardan: «Ýol bolsun!
Näme hakda gürrüň edip barýaňyz?»

---

[a] **24:1** ***Hepdäniň birinji güni*** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýekşenbe günüdir.
[b] **24:13** ***On çakrym*** – grekçe *altmyş stadios*. Bu takm. 11 kilometre deňdir.

diýip sorady. Olar gaýgyly ýagdaýda
aýak çekdiler. 18 Olaryň Kleýop atlysy:
«Iýerusalimde bolubam, şu günler ol
ýerde bolan wakalardan bihabar gelmi-
şek diňe Senmikäň?» diýip sorady. 19 Isa
olardan: «Haýsy wakalar?» diýip sorady.
Olar şeýle jogap berdiler: «Nasyraly
Isa hakdaky wakalar. Ol Hudaýyň we
ähli halkyň nazarynda sözde hem işde
güýçli pygamberdi. 20 Ýolbaşçy ruhanylar
bilen baştutanlarymyz Ony ölüm jeza-
syna höküm etdirip, haça çüýlemek üçin
häkimiň eline tabşyrdylar. 21 Biz bolsa
Ysraýyly halas etjek Şoldur diýip umyt
edipdik. Onsoňam bu zatlaryň bolanyna
üç gün boldy. 22 Üstesine, aýallarymyzyň
käbirem bizi haýrana goýdy. Olar şu gün
ir bilen mazara baryp, 23 Onuň jesedini
tapmandyrlar. Olar biziň ýanymyza ge-
lip, özlerine perişdeleriň görnendigini
aýtdylar. Perişdeler Oňa diri diýýärmiş-
ler. 24 Onsoň biziňkileriň käbiri mazara
baryp, ýagdaýyň edil aýallaryň aýdyşy
ýalydygyny görüpdirler, emma Isany
görmändirler».

25 Isa olara: «Wah, siz akmaklar!
Pygamberleriň aýdanlaryna giç ynan-
ýanlar! 26 Mesih bu görgüleri görüp, Öz
şöhratyna girmeli dälmidi?» diýdi. 27 On-
soň Ol Musa bilen ähli pygamberlerden
başlap, hemme Mukaddes Ýazgylarda
Özi hakda aýdylanlary olara düşündirdi.
28 Olar barýan obalaryna golaýlanlaryn-
da, Isa uzagrak giderli göründi. 29 Emma
olar Ony saklap: «Biziň ýanymyzda
galaý, basym agşam düşer, gün ýaşyp
barýar» diýdiler. Şeýlelikde, Isa olaryň
ýanynda galdy. 30 Isa olar bilen saçak ba-
şynda otyrka, çörek alyp, şükür etdi-de,
bölüp olara berdi. 31 Şonda olaryň göz-
leri açylyp, Isany tanadylar, emma Isa
olaryň gözlerinden gaýyp boldy. 32 Olar
biri-birlerine: «Ýolda biziň bilen geple-
şip gelýärkä, bize Mukaddes Ýazgylary
düşündirýärkä, içimizde ýüregimiz ýan-
maýarmydy diýsene?» diýişdiler. 33 Olar
turup, şol pursadyň özünde Iýerusalime
dolandylar. Ol ýerde Onbirleri we olaryň
ýanynda bile üýşüp oturanlary tapdylar.
34 Bular: «Dogrudan-da, Reb Isa dire-
lipdir we Simuna görnüpdir!» diýdiler.
35 Onsoň ol ikisi ýolda bolan wakalary,
Isa çöregi bölende, Ony tanandyklaryny
gürrüň berdiler.

***Isa şägirtlere görünýär***

*(Matta 28:16-20; Mark 16:14-18;*
*Ýohanna 20:19-23; Resul 1:6-8)*

36 Olar heniz bu barada gürrüň berip
durkalar, Isanyň Özi olaryň arasynda
durup: «Size salam bolsun!» diýdi. 37 Olar
ruh görýändiris öýdüp, tisginip gorka
düşdüler. 38 Isa olara: «Näme üçin dowla
düşýärsiňiz? Näme sebäpden göwnüňize
beýle pikirler gelýär? 39 Meniň ellerime,
aýaklaryma serediň. Bu Meniň Özüm!
Maňa elleriňizi degrip görüň. Ruhuň
et bilen süňki bolmaz, emma görşüňiz
ýaly, Meniňki bar» diýdi. 40 Muny aý-
dyp, ellerini, aýaklaryny olara görkezdi.
41 Olar şatlykdan ýaňa henizem ynanyp
bilmän, haýran galyp durkalar, Isa olara:
«Bu ýerde iýmäge bir zadyňyz barmy?»
diýip sorady. 42 Oňa bişirilen balygyň
bir bölegini [a] berdiler. 43 Isa alyp, olaryň
gözleriniň alnynda ony iýdi. 44 Isa olara:
«Men heniz ýanyňyzdakam size aýdan
sözlerim şulardyr: Men hakda Töwratda,
pygamberleriň ýazgylarynda, Zeburda
ýazylanlaryň ählisi berjaý bolmalydyr»
diýdi. 45 Onsoň Mukaddes Ýazgylara
düşünmekleri üçin, olaryň aňlaryny

[a] **24:42** Käbir golýazmalarda *we biraz bal* diýen sözler hem bar.

açdy. [46]Isa olara: «Mesih görgi görer
we üçülenji gün ölümden direler diýip
ýazylandyr. [47]Şeýle hem toba edip, gü-
nüleriniň bagyşlanmagy baradaky Hoş
Habary Iýerusalimden başlap, ähli mil-
letlere Onuň adyndan wagyz edilmelidir.
[48]Siz bu zatlara şaýat bolarsyňyz. [49]Men
hem Atamyň wada eden Mukaddes Ru-
huny size ýollaryn. Emma siz gökden
injek gudrat bilen doldurylýançaňyz,
Iýerusalimde galyň» diýdi.

***Isa göge göterilýär***

*(Mark 16:19,20; Resul 1:9-11)*

[50]Isa olary şäheriň daşyna çykaryp,
Beýtaniýa getirdi. Onsoň ellerini gal-
dyryp, olara pata berdi. [51]Pata berip
durka, olardan aýrylyp, göge göterildi.
[52]Olar hem Oňa sežde edip, uly şatlyk
bilen Iýerusalime dolandylar. [53]Olar
hemişe ybadathanada bolup, Hudaýa
alkyş okaýardylar. [a]

[a] **24:53** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Ýohannanyň hoş habary

## Giriş

Bu kitap Isanyň şägirdi Ýohanna tarapyndan ýazyldy. Ýohanna Isa duşmazyndan ozal ýönekeý bir balykçydy. Ýöne Isa bilen duşuşyk onuň durmuşyny düýpgöter özgertdi. Ýahýa öz agasy Ýakup bilen Isa eýerip, Onuň resullary boldular. Olar Isanyň iň ýakyn şägirtleridi, ähli ýere Onuň bilen bile giderdiler. Kitapda «Isanyň söýgüli şägirdi» diýip ýazylan ýerleri hem hut Ýohanna baradadyr (Ýoh 19:26, 20:2, 21:7,20).

Ýohanna bu kitaby adamlaryň Isa Mesihiň kimdigine düşünip, Oňa iman etmekleri üçin ýazýar. Ol kitabyň başynda okyjylary Isa Mesih bilen tanyşdyryp, Ony ynsan keşbinde doglup, aramyzda ýaşan Hudaýyň ebedi Sözi hökmünde suratlandyrýar. Ýohanna Isa Mesihiň biziň gökdäki Atamyz Hudaý bilen ebedi gatnaşygyny mälim etmek üçin, Ony Hudaýyň Ogly diýip atlandyrýar. Kitapda Isa Mesih «ýaşaýyş çöregi», «dünýäniň nury», «gowy Çopan», «hakyky üzüm agajy» diýip atlandyrylýar. Ýohanna Onuň görkezen mugjyzalaryny gudratly alamatlar diýip atlandyrýar. Bu mugjyzalaryň şaýady bolan adamlar Isanyň dogrudan-da Hudaýyň Ogludygyny tassyklaýardylar. Ýohannanyň Hoş Habary ilki-ilkiler Aziýadaky (häzirki Türkiýe) mesihi ýygnaklarda okalýardy. Ýohanna bu ýygnaklary alyp barmaga kömek edýärdi. Ýohannanyň 1-nji, 2-nji we 3-nji hatlary, Ýohanna gelen ylham atly Täze Ähtiň kitaplary hem Ýohanna tarapyndan ýazylandyr.

***Mazmuny***


Isa Mesih – Hudaýyň ebedi Sözi ........ *1:1-18*
Ýahýa pygamberiň şaýatlygy ........ *1:19-34*
Isanyň ilkinji şägirtleri ........ *1:35-51*
Isanyň görkezen gudratlary ........ *2:1–12:50*
Isanyň ýerdäki soňky günleri: jebirleri we ölümi ........ *13:1–19:42*
Isanyň direlmegi ........ *20:1-10*
Isanyň şägirtlerine görünmegi ........ *20:11–21:25*

## 1-nji bap

### *Söz*

1 Owal-başda Söz bardy, Söz Hudaý
bilendi, Söz Hudaýyň Özüdi. 2 Owal-
başda Ol Hudaý bilendi. 3 Tutuş barlyk
Söz arkaly ýaradyldy, ýaradylan zatlaryň
hiç biri Onsuz ýaradylmady. 4 Söz ýaşa-
ýyş çeşmesidir, bu ýaşaýyş ynsanlaryň
Nury boldy. 5 Nur tümlükde parlaýandyr,
tümlük bolsa Ony ýeňip bilmedi.

6 Hudaý tarapyndan Ýahýa atly bir
adam iberildi. 7 Ýahýa Nur barada şa-
ýatlyk etmäge we öz şaýatlygy arkaly
hemmeleri ynandyrmaga geldi. 8 Ýah-
ýanyň özi Nur däldi, ol diňe Nur barada
şaýatlyk etmäge geldi. 9 Her bir ynsany
nurlandyrýan hakyky Nur dünýä geldi.
10 Ol dünýädedi, dünýä Ol arkaly ýara-
dylypdy, emma dünýä Ony tanamady.
11 Ol Özüniňkilere geldi, emma olar Ony
kabul etmedi. 12 Ol Özüni kabul edip,
adyna iman edenleriň hemmesine Hu-
daýyň perzentleri bolmak hukugyny
berdi. 13 Olar ne ten, ne ynsan isleginden,
ne-de är höwesinden doglupdylar. Olar
Hudaý tarapyndan doglan perzentlerdir.

14 Söz ynsan bolup, aramyzda ýaşady.
Ol merhemetden we hakykatdan doludy.
Biz Onuň şöhratyny, ýagny Atadan gelen
Ýeke-tägiň şöhratyny gördük. 15 Ýahýa
Isa barada şaýatlyk edip, batly ses bilen:
«Ine, Menden soňra geljek Menden üs-
tündir, sebäbi Ol menden hem owal bardy
diýenim Şudur» diýip gygyrdy. 16 Biziň
hemmämiz Onuň çäksiz merhemeti
arkaly ýalkanyş üstüne ýalkanyş aldyk.
17 Çünki Mukaddes Kanun Musa arkaly
berildi, merhemet we hakykat bolsa Isa
Mesih [a] arkaly peýda boldy. 18 Hudaýy
hiç kim asla gören däldir. Bize Ony
Atasynyň gujagyndaky, Özi-de Hudaý
bolan ýeke-täk Ogly [b] [ç] tanatdy.

### *Ýahýa çümdürijiniň şaýatlygy*
*(Matta 3:1-12; Mark 1:1-8;*
*Luka 3:1-18)*

19 Ine, ýahudylaryň baştutanlary Iýe-
rusalimden ruhanylary we lewileri
Ýahýanyň ýanyna iberdiler. Olar Ýahýa-
dan: «Sen kim?» diýip soradylar. Ýahýa
sözüni inkär etmedi, 20 ol şaýatlyk edip:
«Men Mesih däl» diýip, çürt-kesik ykrar
etdi. 21 Olar ondan: «Onda sen kim? Bel-
ki, Ylýassyň?» diýip soradylar. Ýahýa:
«Ýok» diýip jogap berdi. Olar ýene-de:
«Onda şol garaşylýan pygambermiň?»
diýip soradylar. Ol: «Ýok, ol däl» di-
ýip jogap berdi. 22 Ahyry olar: «Onda
sen kim? Biz özümizi ýollanlara näme
jogap bereli? Sen özüň hakda näme
aýdyp biljek?» diýip soradylar. 23 Ýahýa
Işaýa pygamberiň sözleri bilen jogap
berip: «Ine, „Rebbiň ýoluny düzläň“
diýip, çölde gygyrýan ses mendirin»

[a] **1:17** ***Mesih*** – ýewreýler bu sözi Hudaý tarapyndan wada berlen Patyşa babatynda ulanýardylar, heniz hem ulanýarlar. Sözlüge seret.

[b] **1:18** ***Ogul*** – Köne Ähtde patyşalar «Hudaýyň ogly» diýip atlandyrylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlükde «Hudaýyň Ogly» sözüne seret.

[ç] **1:18** ***Atasynyň gujagyndaky Özi-de Hudaý bolan ýeke-täk Ogly*** – käbir golýazmalarda *Atasynyň gujagyndaky ýeke-täk Ogly.*

**1:23** Işa 40:3.

diýdi. 24-25 Onsoň onuň ýanyna iberilen
käbir fariseýler: «Sen Mesihem, Yl-
ýasam, garaşylýan pygamberem däl
bolsaň, onda näme üçin adamlary suwa
çümdürýärsiň?» diýip soradylar. 26 Ýah-
ýa olara: «Hawa, men adamlary suwa
çümdürýärin, emma araňyzda Biri bar,
siz Ony tanamaýarsyňyz. 27 Ol menden
soňra geljekdir. Men Onuň çarygynyň
bagyny çözmäge-de mynasyp däldi-
rin» diýip jogap berdi. 28 Bu wakalaryň
hemmesi Iordan derýasynyň gündoga-
ryndaky Beýtaniýada, Ýahýanyň suwa
çümdürýän ýerinde bolup geçdi.

29 Ertesi güni Ýahýa öz ýanyna gelýän
Isany görüp, şeýle diýdi: «Ine, dünýäni
günäden saplaýan Hudaýyň Guzusy!
30 Size: „Menden soňra Biri geler, Ol
menden üstündir, sebäbi Ol menden hem
owal bardy“ diýip aýdan Kişim Şudur.
31 Başda men hem Onuň kimdigini ta-
namaýardym. Emma men Ony ysraýyl
halkyna tanatmak üçin, adamlary suwa
çümdürmäge geldim».

32 Ýahýa ýene şaýatlyk edip, şeýle
diýdi: «Men Mukaddes Ruhuň gök-
den kepderi kimin inip, Onuň üstüne
inenini gördüm. 33 Şol wagt men Onuň
kimdigini tanamaýardym, emma halky
suwa çümdürmek üçin meni Iberen:
„Mukaddes Ruhuň kimiň üstüne ineni-
ni görseň, adamlary Mukaddes Ruha
çümdürjek Şoldur“ diýdi. 34 Men muny
gördüm we Onuň Hudaýyň Ogludygyna
şaýatlyk edýärin».

### *Isanyň ilkinji şägirtleri*

35 Ertesi gün Ýahýa ýanynda iki sany
şägirdi bilen ýene şol ýerdedi. 36 Ol ge-
çip barýan Isany görüp: «Ine, Hudaýyň
Guzusy!» diýdi. 37 Ýahýanyň sözlerini
eşidip, bu iki şägirt Isanyň yzyna düşüp
gitdi. 38 Isa gaňrylyp, yzyna düşüp gel-
ýänleri gördi-de, olardan: «Size näme
gerek?» diýip sorady. Olar: «Rabbi, Sen
nirede ýaşaýarsyň?» diýip soradylar.
(Rabbi mugallym diýmekdir). 39 Isa olara:
«Meniň yzyma düşüň, görersiňiz» diýdi.
Şeýdip, olar Isa bilen gidip, Onuň nirede
ýaşaýandygyny gördüler, şol wagt öý-
län sagat dört töweregidi. Olar şol gün
Onuň ýanynda galdylar. 40 Ýahýadan
Isa hakda eşidip, Onuň yzyna düşüp
gidenleriň biri Simun Petrusyň dogany
Andrysdy. 41 Andrys ilki bilen dogany
Simuny tapyp, oňa: «Biz Mesihi tapdyk»
diýdi. (Mesih Hudaýyň saýlap-seçeni
diýmekdir). 42 Ol doganyny Isanyň ýa-
nyna getirdi. Isa Simuna seredip: «Sen
Ýohannanyň ogly Simunsyň, ýöne sen
Kepas[a] diýlip atlandyrylarsyň» diýdi.
(Kepas Petrus diýlip terjime edilýär).
43 Ertesi gün Isa Jelilä gitmegi ýüregine
düwdi. Ol Filipi tapyp: «Meniň yzyma
düş!» diýdi. 44 Andrys bilen Petrus ýaly,
Filip hem Betsaýda şäherindendi. 45 Filip
Natanaýeli tapyp, oňa: «Biz Musanyň
Töwradynda we beýleki pygamberleriň
ýazgylarynda ýazylan Adamy tapdyk.
Ol nasyraly Ýusubyň ogly Isa eken!»
diýdi. 46 Natanaýel oňa: «Nasyraly?! Ol
ýerden, heý, bir oňly zat çykarmyka?!»
diýdi. Filip hem oňa: «Ýör, görersiň!»
diýdi. 47 Isa Özüne tarap gelýän Natana-
ýeli görüp, ol hakda: «Ine, kalby hilesiz,
hakyky Ysraýyl ogly» diýdi. 48 Natanaýel
Ondan: «Sen meni nireden tanaýar-
syň?» diýip sorady. Isa oňa: «Filip seni
heniz çagyrmanka, Men seni injir aga-
jynyň aşagynda gördüm» diýip jogap

[a] **1:42** ***Kepas*** – bu arameý sözi bolup, grek dilinde *Petrus* görnüşde ulanylýar, bularyň ikisi hem *gaýa* diýmegi aňladýar.

berdi. [49]Natanaýel Oňa: «Mugallym,
Sen Hudaýyň Oglusyň! Sen Ysraýylyň
Patyşasysyň!» diýdi. [50]Isa oňa: «Seni in-
jir agajynyň aşagynda gördüm diýenim
üçin iman edýärsiňmi? Sen mundan-da
beýik işleri görersiň» diýdi. [51]Isa sözüni
dowam edip: «Size dogrusyny aýdýaryn,
indi siz gökleriň açylyp, Hudaýyň pe-
rişdeleriniň Ynsan Oglunyň huzuryna
inip-çykyşyny görersiňiz» diýdi.

### 2-nji bap

### *Isa suwy şeraba öwürýär*

[1]Şondan iki gün geçensoň, Jeliläniň
Kana şäherinde toý boldy. Isanyň ejesi-
de şol ýerdedi. [2]Isa bilen şägirtleri hem
toýa çagyrylypdy. [3]Şerap gutaryberende,
ejesi Isa ýüzlenip: «Olaryň şeraby gu-
tarypdyr» diýdi. [4]Isa oňa: «Eý, hatyn,
munuň Maňa näme dahyly bar? Meniň
wagtym entek gelenok» diýip jogap ber-
di. [5]Ejesi hyzmatkärlere: «Ol size näme
diýse, şony hem ediň» diýdi. [6]Şol ýerde
ýahudylaryň ýuwnup-päkizlenme des-
sury üçin uly göwrümli [a]alty sany hum
bardy. [7]Isa hyzmatkärlere: «Humlary
suwdan dolduryň» diýdi. Olar humlary
erňegine çenli doldurdylar. [8]Onsoň hyz-
matkärlere: «Indi şulardan guýup, toýuň
beýemçisine äkidiň» diýdi. Olar äkitdiler.
[9]Toýuň beýemçisi şeraba öwrülen suwuň
nireden gelenini bilmeýärdi, muny diňe
suwy guýan hyzmatkärler bilýärdi. Ol
bu şerapdan dadyp gördi we öýlenýän
ýigidi çagyryp, oňa: [10]«Hemmeler sa-
çaga ilki bilen oňat şeraby goýýarlar.
Myhmanlar içip doýanlaryndan soň,
arzan şeraby berýärler. Sen bolsa oňat
şeraby şu wagta çenli saklap goýupsyň!»
diýdi. [11]Bu Isanyň ilkinji görkezen gud-
ratly alamatydy. Ol muny Jeliläniň Kana
şäherinde görkezip, Öz şöhratyny aýan
etdi. Muny gören şägirtleri Oňa iman et-
diler. [12]Bu wakadan soň Isa ejesi, inileri,
şägirtleri bilen bile Kapernauma gidip,
ol ýerde birnäçe gün galdy.

### *Isa satyjylary ybadathanadan kowýar*

*(Matta 21:12,13; Mark 11:15-17;
Luka 19:45,46)*

[13]Ýahudylaryň Pesah baýramynyň
golaýlaşýandygy üçin Isa Iýerusalime
gitdi. [14]Ol ybadathananyň howlusynda
sygyr, goýun, kepderi satýanlary, şeýle
hem pul çalşyp oturanlary gördi. [15]Isa
ýüpden dürre ýasap, mal-garalary bilen
birlikde hemmäni gamçylap, ybadatha-
nadan kowup çykardy, pul çalyşýanlaryň
tekjelerini agdaryp, pullaryny ýere seçip
goýberdi. [16]Ol kepderi satýanlara: «Bu-
lary bu ýerden ýok ediň! Atamyň öýüni
bazara öwürmäň!» diýdi. [17]Şonda Onuň
şägirtleri Mukaddes Ýazgylardaky «Se-
niň öýüňe bolan yhlas meni köýdürer»
diýlen sözleri ýatladylar. [18]Onsoň ýa-
hudylaryň baştutanlary Ondan: «Seniň
beýtmäge näme hakyň bar? Eger hakyň
bar bolsa, gudrat görkezip, muny bize
subut et» diýip talap etdiler. [19]Isa olara:
«Bu ybadathanany ýykyň, Men ony üç
günde dikelderin» diýip jogap berdi.
[20]Ýolbaşçylar: «Bu ybadathana kyrk
alty ýylda guruldy, Sen bolsa ony indi
üç günde dikeltjekmi?» diýdiler. [21]Em-
ma Isa ybadathana diýip, Öz bedenine
aýdýardy. [22]Isa ölümden direlenden soň,

---

[a] **2:6** ***Uly göwrümli*** – grekçe *iki ýa-da üç metretes saklaýan*. Bir metretes takm. 40 litre deňdir.

---

**2:17** Zeb 68:10.

şägirtleri Onuň bu aýdanyny ýatlap, Mu-
kaddes Ýazgylara we Isanyň sözlerine
ynandylar.
23 Isa Iýerusalimde Pesah baýramynda
bolanda, köp adamlar Onuň görkezen
gudratlaryny görüp, Oňa iman etdiler.
24 Emma Isa ähli adamlaryň ýüregini
bilensoň, Özüni olara ynanmaýardy.
25 Ynsan babatda Oňa hiç kimiň şaýatly-
gy gerek däldi, sebäbi Ol ynsanyň näme
niýetiniň bardygyny bilýärdi.

## 3-nji bap

### *Isa bilen Nikodim*

1 Fariseýleriň arasynda Nikodim atly
bir adam bardy, ol ýahudylaryň mej-
lisiniň bir agzasydy. 2 Ol bir gün gije
Isanyň ýanyna gelip: «Ýa Rabbi, biz
seniň Hudaýdan gelen bir mugallymdy-
gyňy bilýäris. Çünki Hudaýyň Özi seniň
bilen bolmadyk bolsa, beýle gudratly
alamatlary görkezip bilmezdiň» diýdi.
3 Isa oňa: «Hakykatdan hem, gaýtadan
dogulmadyk [a] adam Hudaýyň Şalygyny
görüp bilmez» diýip jogap berdi. 4 Niko-
dim Oňa: «Garran adam nädip gaýtadan
doglup biler? Ol ýene-de enesiniň göwre-
sine girip, täzeden doglup bilmez ahyry!»
diýdi. 5 Isa şeýle jogap berdi: «Hakykat-
dan hem, suwdan we Mukaddes Ruhdan
dogulmadyk adam Hudaýyň Şalygyna
girip bilmez. 6 Bedenden doglan bedendir,
Mukaddes Ruhdan doglan ruhdur. 7 Sa-
ňa gaýtadan dogulmalysyň diýýänime
geň galma. 8 Ýel islän tarapyna öwüsýär,
sen onuň şuwwuldysyny eşidýärsiň-de,
nireden gelip, nirä barýanyny bilmeýär-
siň. Mukaddes Ruhdan doglanlar hem
şeýledir». 9 Nikodim Ondan: «Bu nähili
beýle bolup bilýär?» diýip sorady. 10 Isa
oňa şeýle jogap berdi: «Sen Ysraýylyň
mugallymy bolubam, bulary bileňok-
my?! 11 Hakykatdan hem, biz bilenimizi
aýdýarys, görenimize şaýatlyk edýäris,
emma siz biziň şaýatlygymyzy kabul
etmeýärsiňiz. 12 Meniň ýerdäki zatlar
barada aýdýanlaryma ynanmasaňyz,
onda gökdäki zatlar barada aýtsam,
nähili ynanarkaňyz? 13 Hiç kim göge
çykan däldir; oňa diňe gökden inen [b]
Ynsan Ogly çykandyr. 14 Musanyň çöl-
de ýylany ýokary göterişi ýaly, Ynsan
Ogly-da ýokary göterilmelidir. 15 Şoňa
görä Oňa iman eden her bir adam baky
ýaşaýşa gowşar [ç]».
16 Hudaý dünýäni örän söýendigi se-
bäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol
muny Ogluna iman edenleriň hiç biri
heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşma-
gy üçin etdi. 17 Hudaý Ogluny dünýäni
höküm etmek üçin däl-de, eýsem dün-
ýä Ol arkaly halas bolsun diýip iberdi.
18 Oňa iman eden höküm edilmez. Emma
iman etmedik eýýäm höküm edilendir,
sebäbi ol Hudaýyň ýeke-täk Ogluna
iman etmedi. 19 Höküm, ine, şeýle su-
butnama esaslanýar: dünýä Nur geldi,
emma adamlar garaňkylygy Nurdan
has gowy gördüler, sebäbi olaryň işleri

---

[a] **3:3 *Gaýtadan dogulmadyk*** – 3-nji we 7-nji aýatlarda *gaýtadan dogulmadyk* diýen sözler *ýokardan dogulmadyk* diýen manyda hem gelýär.

[b] **3:13** Käbir golýazmalarda *gökden inen we gökde bolan.*

[ç] **3:15 *Oňa iman eden her bir adam baky ýaşaýşa gowşar*** – käbir golýazmalarda *Oňa iman eden her bir adam heläk bolman, eýsem baky ýaşaýşa eýe bolar.*

---

**3:14** Çöl 21:9.

ýamanlykdy. [20] Ýamanlyk edýän adam
Nury ýigrenýändir, öz edýän pislikle-
riniň äşgär bolmagyndan gorkup, Nura
ýakynlaşýan däldir. [21] Emma hak iş ed-
ýän adam Nura ýakynlaşýar. Şeýdip,
onuň işleriniň Hudaýyň haky üçin edil-
ýändigi äşgär bolýar.

### *Ýahýanyň Isa baradaky şaýatlygy*

[22] Şundan soň Isa şägirtleri bilen Ýa-
hudyýa etrabyna gitdi. Isa olar bilen
birnäçe wagtlap şol ýerde galdy we ol
ýerde adamlary suwa çümdürdi. [23] Şol
wagt Salimiň golaýyndaky Enonda bolsa
halk Ýahýa tarapyndan çümdürilýärdi.
Ol ýerde suw köpdi we çümdürilmek
üçin ol ýere gelýän adamlaryň yzy üzü-
lenokdy. [24] Bu wakalar Ýahýa zyndana
salynmazdan öň bolup geçdi.

[25] Şol mahal Ýahýanyň şägirtleri bilen
bir ýahudynyň [a] arasynda ýuwnup-pä-
kizlenme dessury barada jedel turdy.
[26] Olar Ýahýanyň ýanyna gelip: «Eý,
mugallym, Iordanyň beýleki tarapynda
sen bir Adam barada şaýatlyk edipdiň,
ine, şol Adam halky suwa çümdürýär.
Hemmeler Onuň ýanyna barýarlar» diý-
diler. [27] Ýahýa olara şeýle jogap berdi:
«Gökden berilmese, ynsan hiç zat edip
bilmez. [28] „Men Mesih däl, men diňe
Onuň öňünden iberildim“ diýenime si-
ziň özüňiz şaýatsyňyz. [29] Gelin giýewe
degişlidir. Giýewiň dosty bolsa, giýewiň
gelerine garaşyp, onuň sesini eşidenin-
de juda şatlanýandyr. Hut şonuň ýaly
meniň şatlygym-da indi hasyl boldy.
[30] Ol beýgelmelidir, men peselmelidirin.

[31] Ýokardan gelen hemmeden ýokary-
dyr. Ýerden bolan ýeriňkidir, ýerdäki
zatlar barada gepleýändir. Gökden ge-
len hemmeden üstündir. [32] Ol görenine,
eşidenine şaýatlyk edýär, ýöne Onuň
şaýatlygyny hiç kim kabul etmeýär.
[33] Emma Onuň şaýatlygyny kabul eden
kişi Hudaýyň hakdygyny tassyklaýandyr.
[34] Hudaýyň Ibereni Hudaýyň sözlerini
sözleýändir, sebäbi Hudaý Oňa Mukad-
des Ruhy ölçegsiz berýär. [35] Ata Ogly
söýýär we Ol hemme zady Onuň eline
tabşyrandyr. [36] Ogla iman edýän adam
baky ýaşaýşa eýe bolýar, emma Ogly ret
eden adam baky ýaşaýşa gowuşmaz, ol
Hudaýyň gazabyna duçar bolýar».

## 4-nji bap

### *Isa samariýaly aýal bilen gepleşýär*

[1] Isanyň Ýahýa garanda has köp şägirt
edinip, suwa çümdürýändigi barada-
ky habar fariseýleriň gulagyna ýetdi.
[2] Aslynda olary Isa däl-de, şägirtleri
çümdürýärdi. [3] Isa fariseýleriň Özi ha-
kynda eşidendigini bilende, Ýahudyýany
taşlap, ýene-de Jelilä gaýtdy. [4] Ol Sama-
riýanyň üsti bilen gitmelidi. [5] Şeýlelikde,
Isa Samariýanyň Sihar diýen şäherine
geldi. Bu şäher Ýakubyň öz ogly Ýusuba
beren ýerine golaýdy. [6] Ýakubyň guýu-
sy-da şol ýerdedi. Ýol ýöräp ýadan Isa
guýynyň başynda oturdy. Wagt günortan
bolup barýardy. [7] Şol wagt samariýaly
bir aýal guýudan suw almaga geldi. Isa
oňa: «Maňa içmäge suw bersene» diýdi.
[8] Isanyň şägirtleri bolsa iýmit satyn al-
mak üçin şähere gidipdiler. [9] Samariýaly
aýal Isa geň galyp: «Sen ýahudy bolup,
men samariýaly aýaldan nädip içmäge
suw soraýarsyň?» diýdi. Sebäbi ýahu-
dylar samariýalylary äsgermeýärdiler.
[10] Isa oňa: «Sen Hudaýyň peşgeşini we
özüňden suw diläniň kimdigini bilsediň,
özüň Ondan suw dilärdiň, Ol-da saňa

[a] **3:25** ***Bir ýahudynyň*** – käbir golýazmalarda *käbir ýahudylaryň.*

ýaşaýyş suwuny bererdi» diýdi. 11 Aýal
Oňa: «Eý, Aga, Seniň suw çeker ýaly
hiç zadyňam-a ýok, guýy bolsa çuň,
ýaşaýyş suwuny nireden aljak? 12 Bu
guýyny bize atamyz Ýakup berdi. Onuň
özi-de, çagalary-da, mal-garalary-da bu
guýudan suw içen. Eýsem sen şol ata-
myz Ýakupdan hem beýikmi?» diýdi.
13 Isa oňa: «Bu suwdan içen ýene suw-
sar. 14 Emma Meniň berjek suwumdan
içen asla suwsamaz. Tersine, Meniň
berjek suwum onuň içinde baky ýaşa-
ýyş çeşmesine öwrüler» diýdi. 15 Aýal:
«Eý, Aga, maňa şol suwdan bersene,
gaýdyp suwsamaýyn, suw çekmäge
bu ýere gelmäýin» diýdi. 16 Isa: «Bar,
git-de, äriňi çagyryp gel» diýdi. 17 Aýal:
«Meniň ärim ýok» diýdi. Isa oňa: «Ärim
ýok diýip, dogrusyny aýtdyň. 18 Seniň
öň bäş äriň bardy, häzirki bile ýaşap
ýöreniň hem öz äriň däl, muny dogry
aýtdyň» diýdi. 19 Aýal: «Eý, Aga, görýän
welin, Sen pygamber öýdýän. 20 Biziň
ata-babalarymyz Hudaýa şu dagda sežde
edipdirler, emma siz ýahudylar Hudaýa
sežde edilýän ýer Iýerusalimdedir diý-
ýärsiňiz» diýdi. 21 Isa oňa şeýle diýdi:
«Eý, zenan, Maňa ynan, şeýle bir wagt
geler, şonda Ata Hudaýa ne şu dagda, ne-
de Iýerusalimde sežde edersiňiz. 22 Siz
samariýalylar kime sežde edýäniňizi
bilmeýärsiňiz, biz kime sežde edýäni-
mizi bilýäris, sebäbi halas bolmaklyk
ýahudylardan gelýändir. 23 Emma şeýle
bir wagt geler, hakyky sežde edýänler
Ata ruhda we hakykatda sežde ederler.
Ol wagt eýýäm geldi! Ata Özüne şeý-
le sežde edýänleri agtarýar. 24 Hudaý
Ruhdur, Oňa sežde edýänler ruhda we
hakykatda sežde etmelidirler». 25 Aýal
Oňa: «Men Mesihiň geljegini bilýärin,
Ol gelende bize ähli zady düşündirer»
diýdi. (Mesih Hudaýyň saýlap-seçeni
diýmekdir.) 26 Isa oňa: «Seniň bilen gep-
leşip duran Şoldur» diýdi.

27 Edil şol wagt Isanyň şägirtleri gel-
diler we Onuň bir aýal bilen gepleşip
duranyna haýran galdylar. Emma hiç
kim: «Edýäniň näme?» ýa-da «Bu aýal
bilen näme üçin gepleşýärsiň?» diýip so-
ramady. 28 Onsoň ýaňky aýal küýzesini
goýdy-da, şähere baryp, halka: 29 «Ýörüň,
meniň ähli eden işlerimi aýdyp beren
Adamy görüň. Ol Mesih bolaýmasyn?»
diýdi. 30 Olar şäherden çykyp, Isanyň
ýanyna bardylar. 31 Şu aralykda şägirt-
leri Isa: «Mugallym, çörek iýip otur!»
diýip, hödür etdiler. 32 Isa bolsa olara:
«Meniň iýmäge zadym bar, ýöne siz
ony bilmeýärsiňiz» diýdi. 33 Onsoň şä-
girtleri: «Kimdir biri Oňa iýmäge zat
getirip beren däldir-ä?» diýişdiler. 34 Isa
olara: «Meniň iýmitim Özümi Ibereniň
yradasyny berjaý etmekdir, Onuň işini
ýerine ýetirmekdir. 35 Siz oraga ýene dört
aý bar diýmeýärsiňizmi? Emma Men
size diýýärin, başyňyzy galdyryň-da,
ekin meýdanlaryna serediň, olar eýýäm
oraga taýýar. 36 Orakçy hem hakyny
alýar, hem-de baky ýaşaýyş üçin hasyl
toplaýar. Şeýdip, ekýän-de, orýan-da
bilelikde şatlanýar. 37 „Biri eker, başga
biri orar“ diýilýän söz bu babatda dog-
rudyr. 38 Men sizi zähmetiňiziň siňmedik
hasylyny ormaga iberdim. Başgalar bu
hasyl ugrunda zähmet çekdiler, siz bolsa
olaryň zähmetiniň rähnetini görýärsi-
ňiz» diýdi.

39 «Meniň ähli eden işlerimi aýdyp
berdi» diýip, şaýatlyk eden aýalyň sözi
bilen bu şäherdäki samariýalylaryň kö-
püsi Isa iman etdiler. 40 Şonuň üçin-de,

**4:37** Eýp 31:8; Mik 6:15.

samariýalylar Isanyň ýanyna gelip, öz
ýanlarynda galmagyny Ondan haýyş
etdiler. Ol hem şol ýerde iki gün galdy.
41 Onuň sözlerini diňläp, ýene-de köp
adamlar Oňa iman etdiler. 42 Olar aýala:
«Indi biz seniň aýdanlaryňa görä iman
etmeýäris, muny özümiz eşitdik. Ol,
dogrudan-da, dünýäniň çyn Halasgä-
ri» diýdiler.

### *Isa köşk emeldarynyň ogluny sagaldýar*

43 Iki gün geçenden soň, Isa ol ýerden
Jelilä gitdi. 44 Pygamberleriň öz ýurdun-
da gadyrynyň ýokdugyny Isanyň Özi
tassyklapdy. 45 Muňa garamazdan, Isa
Jelilä gelende, jelileliler Ony gyzgyn
garşy aldylar, sebäbi olar Pesah baýra-
my üçin Iýerusalime baranlarynda, ol
ýerde Isanyň eden ähli işlerini görüp-
diler. 46 Şeýlelikde, Isa ýene-de Özüniň
suwy şeraba öwren ýeri bolan Jeliläniň
Kana şäherine gaýdyp geldi. Şol wagt
Kapernaumda bir köşk emeldarynyň
ogly keselläp ýatyrdy. 47 Bu adam Isanyň
Ýahudyýadan Jelilä gelenini eşidip, Onuň
ýanyna bardy. Ol gelip, ölüm ýassygynda
ýatan ogluny sagaltmagyny sorap, Isa
ýalbardy. 48 Isa oňa: «Siz alamatlar, mug-
jyzalar görmeseňiz, asla ynanmarsyňyz»
diýdi. 49 Köşk emeldary Oňa: «Eý, Aga,
oglum ölmänkä baraý-da!» diýdi. 50 Isa
oňa: «Gidiber, ogluň ýaşar» diýdi. Ol
hem Isanyň aýdan sözüne ynanyp, öýüne
gaýtdy. 51 Ol heniz ýoldaka, hyzmatkärle-
ri onuň öňünden çykyp: «Ogluň sagaldy»
diýdiler. 52 Ol adam hyzmatkärlerinden
oglunyň gowulaşyp başlan sagadyny
sorady. Olar oňa: «Düýn gündiz sagat
birde gyzgyny gaýtdy» diýdiler. 53 Onsoň
munuň Isanyň «Ogluň ýaşar» diýen sa-
gadynda bolandygyna atasy göz ýetirdi.
Şeýdip ol öý-içersi bilen birlikde Oňa
iman etdi. 54 Bu Isanyň Ýahudyýadan
Jelilä gelenden soň görkezen ikinji gud-
ratly alamatydy.

## 5-nji bap

### *Isa howzuň başynda bir hassany sagaldýar*

1 Biraz wagtdan ýahudylaryň bir baý-
ramy boldy we Isa muny bellemek üçin
Iýerusalime gitdi. 2 Iýerusalimde Goýun
derwezesiniň ýanynda bir howuz bar-
dy. Bu howzuň arameýçe ady Beýtzata
bolup, onuň töwereginde bäş eýwan bar-
dy. 3 Bu eýwanlarda gaty köp hassalar,
körler, agsaklar, ysmazlar ýatyrdylar[a].
5 Şol ýerde otuz sekiz ýyl bäri dert çekip
ýatan bir hassa bardy. 6 Isa ýatan hassany
görüp, onuň ençeme ýyldan bäri bu derdi
çekýändigini bildi. Şonuň üçin ondan:
«Sagalmak isleýärsiňmi?» diýip sorady.
7 Hassa: «Eý, Aga, suw çaýkanan wagty
meni howza saljak hiç kimim ýok. Men
barýançam, başga biri menden öň howza
giräýýär» diýip jogap berdi. 8 Isa oňa:
«Tur, düşegiňi al-da, ýöre!» diýdi. 9 Ýaňky
adam şobada sagalyp, düşegini aldy-da,
ýöräp başlady. Bu waka Sabat güni bo-
lup geçdi. 10 Munuň üçin ýahudylaryň
baştutanlary sagalan adama: «Bu gün
Sabat güni, saňa düşegiňi götermek ga-
dagan» diýdiler. 11 Emma sagalan adam
olara: «Meni sagaldan Adam maňa:
„Düşegiňi al-da, ýöre“ diýdi» diýip jogap
berdi. 12 Ondan: «Saňa: „Düşegiňi al-da,

[a] **5:3** ***Ysmazlar ýatyrdylar*** – käbir golýazmalarda *ysmazlar suwuň çaýkanmagyna garaşyp ýatyrdylar.* 4 *Wagtal-wagtal Rebbiň bir perişdesi şol howza girip, suwy çaýkaýardy. Suw çaýkanan badyna ilkinji bolup suwa giren öz keselinden saplanýardy* diýen sözlemler hem bar.

ýöre“ diýen Adam kim?» diýip soradylar.
13 Ýöne sagalan adam Onuň kimdigini
bilmeýärdi, sebäbi Isa şol ýerdäki mä-
helläniň arasyna girip gidipdi. 14 Soňra
Isa ybadathanada ol adama gabat gelip:
«Ine, sagaldyň, mundan beýläk günä et-
me, ýogsam başyňa mundan beter günler
geler» diýdi. 15 Şeýlelikde, ýaňky adam
baryp, özüni sagaldanyň Isadygyny ýa-
hudylaryň baştutanlaryna aýtdy.

### *Ýaşaýyş berýän Ogul*

16 Bu işi Sabat güni edendigi üçin ýahu-
dylaryň baştutanlary Isany yzarlamaga
başladylar. 17 Emma Isa olara: «Meniň
Atam şu güne çenli Öz işini edip gelýär,
Men hem Öz işimi edýärin» diýip jogap
berdi. 18 Şu sebäpden ýahudylaryň baş-
tutanlary öňküden-de beter gazaplanyp,
Ony öldürmegiň kül-külüne düşdüler.
Sebäbi Ol diňe Sabat gününi bozmak
bilen çäklenmän, eýsem, Hudaýa Atam
diýip, Özüni Hudaýa deňeýärdi. 19 Isa
olara şeýle jogap berdi: «Hakykatdan
hem, Atasynyň eden zatlaryny gör-
mese, Ogul Öz-Özünden hiç zat edip
bilmez. Atasy näme etse, Ogul-da şony
edýändir. 20 Çünki Ata Ogly söýýär, ähli
edýän zatlaryny Oňa görkezýär. Hawa,
Ol Ogla mundan hem beýik işleri gör-
kezer, şonda hemmäňiz muňa haýran
galarsyňyz. 21 Atanyň ölüleri direldişi
ýaly, Ogul-da islän adamyny direlder.
22 Ata hiç kimiň üstünden höküm çy-
karýan däldir, Ol ähli kazylygy Ogla
tabşyrandyr. 23 Şeýlelikde, Ata hormat
goýýanlar Ogla-da hormat goýmalydyr-
lar. Ogla hormat goýmaýan adam Ony
iberen Ata-da hormat goýýan däldir.
24 Hakykatdan hem, Meniň sözlerimi
diňläp, Meni Iberene iman eden adam
baky ýaşaýşa eýe bolýandyr, ol höküm
edilmez. Ol ölümden ýaşaýşa geçendir.
25 Men size dogrusyny aýdýaryn, Huda-
ýyň Oglunyň sesini ölüleriň-de eşitjek
wagty geler, bu wagt eýýäm geldi. Onuň
sesini eşidenler ýaşar. 26 Çünki Atanyň
ýaşaýyş berip bilşi ýaly, Ol Ogla-da ýa-
şaýyş bermek ygtyýaryny berdi. 27 Onuň
Ynsan Ogludygy sebäpli, Oňa kazylyk
etmek ygtyýaryny-da berdi. 28 Muňa
geň galmaň, sebäbi mazardakylaryň
hemmesiniň Onuň sesini eşitjek wagty
geler. 29 Ýagşylyk edenler ýaşamak üçin,
ýamanlyk edenler bolsa höküm edilmek
üçin direler.

### *Isa hakdaky şaýatlyklar*

30 Men Öz-Özümden hiç zat edip bil-
meýärin; Atamdan näme eşitsem, şonuň
ýaly höküm çykarýaryn. Meniň kazy-
lygym hakdyr, sebäbi Men Öz islegim
boýunça höküm çykarmaýaryn, Me-
ni Iberenìň yradasyny berjaý edýärin.
31 Eger Men Özüm hakda şaýatlyk etsem,
onda bu şaýatlygym hakyky bolmaz.
32 Men hakda şaýatlyk edýän başga Biri
bar. Onuň Özüm hakdaky şaýatlygy-
nyň dogrudygyny Men bilýärin. 33 Siz
Ýahýanyň ýanyna adamlar ýolladyňyz,
ol hem hakykata şaýatlyk etdi. 34 Men
ynsan şaýatlygyna mätäç bolmasam-da,
muny siziň halas bolmagyňyz üçin aýd-
ýaryn. 35 Ýahýa nur saçýan yşyk ýalydy.
Siz az salym hem bolsa, onuň yşygyna
guwanmak islediňiz. 36 Emma Meniň
Ýahýanyňkydan has beýik şaýatlygym
bar, sebäbi berjaý etmegim üçin Atanyň
Özüme tabşyran işleri, ýagny şu ed-
ýän işlerim Meni Atanyň iberendigine
şaýatlyk edýär. 37 Meni iberen Atanyň
Özi hem Men hakda şaýatlyk etdi. Ýö-
ne siz Onuň ne sesini eşitdiňiz, ne-de
ýüzüni gördüňiz. 38 Kalbyňyzda Onuň
sözleri ýok, sebäbi siz Onuň Iberenine
iman etmeýärsiňiz. 39 Siz baky ýaşaýyş

Mukaddes Ýazgylardadyr öýdüp, olary
yhlas bilen öwrenýärsiňiz. Olar bolsa
Men hakda şaýatlyk edýärler. 40Emma
siz ýaşaýşa eýe bolar ýaly, Maňa gelmek
islemeýärsiňiz. 41Men ynsanlardan öwgi
agtarmaýaryn. 42Emma Men sizi tanaýa-
ryn, siziň kalbyňyzda Hudaýyň söýgüsi
ýok. 43Men Atamyň adyndan geldim, siz
bolsa Meni kabul etmeýärsiňiz. Ýöne
başga biri öz adyndan geläýse, siz ony
kabul edersiňiz. 44Siz biri-biriňizden
öwgüler kabul edýärsiňiz, emma ýe-
ke-täk Hudaýyň öwgüsini gazanmaga
çalyşmaýarsyňyz. Onsoň nädip sizde
iman bolsun? 45Atanyň öňünde Men
sizi aýyplaryn öýtmäň. Sizi öz umyt
baglaýan Musaňyz aýyplaýandyr. 46Siz
Musa ynansadyňyz, onda Maňa-da yna-
nardyňyz, sebäbi ol Men hakda ýazdy.
47Onuň ýazanlaryna ynanmaýan bolsa-
ňyz, onda Meniň aýdýanlaryma nähili
ynanjaksyňyz?»

## 6-njy bap

### *Isa bäş müň adamy doýurýar*

*(Matta 14:13-21; Mark 6:30-44;
Luka 9:10-17)*

1Şundan soň Isa Jelile kölüniň beýleki
tarapyna geçdi. Bu köle Tiberiýa köli
hem diýilýärdi. 2Isanyň gudratlar arkaly
hassalary sagaldandygyny gören uly mä-
helle Onuň yzyna düşdi. 3Isa şägirtleri
bilen beýik depä çykyp oturdy. 4Ýahu-
dylaryň Pesah baýramy golaýlapdy. 5Isa
töweregine gözüni aýlady. Öz ýanyna
uly mähelläniň gelýänini görüp, Filipe:
«Bulara iýer ýaly çöregi nireden satyn
alarys?» diýdi. 6Ol muny Filipi synamak
üçin sorapdy, aslynda welin Özüniň nä-
me etjegini eýýäm bilýärdi. 7Filip Oňa:
«Bularyň her birine bir döwüm çörek
satyn almak üçin iki ýüz kümüş teňňe
sarp etsek-de ýetmez!» diýip jogap ber-
di. 8Şägirtlerden biri, Simun Petrusyň
dogany Andrys Oňa: 9«Bu ýerde bir og-
landa bäş arpa çöregi bilen iki balyk bar.
Emma şeýle uly mähellä bular nämejik
bolar?» diýdi. 10Isa: «Halky oturdyň»
diýdi. Halk şol ýerdäki gök ýaýlada
oturdy. Ol ýerde bäş müňe golaý erkek
adam bardy. 11Isa çörekleri alyp, şükür
etdi, soňra olary oturanlara paýlady. Ba-
lyklary hem şeýtdi, näçe isleseler, olara
paýlady. Adamlar doýýançalar iýdiler.
12Olar doýanlaryndan soň, Isa şägirtleri-
ne: «Galan-gaçanlary ýygnaşdyryň, hiç
zat zaýalanmasyn» diýdi. 13Şeýlelikde,
şägirtler iýlen bäş arpa çörekden artan
bölekleri ýygnap, on iki sebedi doldur-
dylar. 14Isanyň bu gudratly alamatyny
gören adamlar: «Hakykatdan-da, dünýä
gelmeli pygamber Şudur» diýdiler. 15Isa
olaryň Özüni patyşa etmek üçin zor
bilen tutjak bolýandyklaryny bilensoň,
ýene-de ýeke Özi daga gitdi.

### *Isa suwuň ýüzünden ýöreýär*

*(Matta 14:22-33; Mark 6:45-52)*

16Agşamara Onuň şägirtleri kölüň bo-
ýuna geldiler. 17Garaňky düşse-de, Isa
heniz olaryň ýanyna gelmändi. Onsoň
şägirtler gaýyga münüp, kölüň aňyrsyn-
daky Kapernauma ugradylar. 18Güýçli
ýel turup, köl tolkun atyp başlady. 19Olar
gaýykly bäş-alty çakrym[a] ýüzenlerin-
den soň, Isanyň suwuň ýüzünden ýöräp,
gaýyga ýakynlaşyp gelýänini görüp
gorkdular. 20Emma Isa olara: «Gorkmaň,
bu – Men!» diýdi. 21Olar begenip, Ony
gaýyga mündürdiler. Gaýyk şol pursadyň
özünde ýetmeli kenaryna baryp ýetdi.

[a] **6:19** ***Bäş-alty çakrym*** – grekçe *ýigrimi bäş-otuz stadios.* Bir stadios takm. 200 m deňdir.

22 Ertesi gün kölüň beýleki kenarynda
galan mähelle ol ýerde düýn diňe bir
gaýygyň bardygyny we Isanyň Öz şä-
girtleri bilen şol gaýyga münmän, olaryň
diňe özleriniň gidendiklerini anykla-
dylar. 23 Şol wagt Tiberiýadan başga
gaýyklar geldi. Gaýyklaryň saklanan
ýeri Reb Isanyň Hudaýa şükür aýdan we
halkyň çörek iýen ýerine golaýdy. 24 Isa-
nyň-da, Onuň şägirtleriniň-de ol ýerde
ýokdugyny gören mähelle gaýyklara
münüp, Isany gözlemäge Kapernauma
tarap gitdi. 25 Ony kölüň aňry tarapyn-
dan tapyp: «Mugallym, bu ýere haçan
geldiň?» diýip soradylar.

### *Isa – Ýaşaýyş çöregi*

26 Isa olara: «Men size dogrusyny aýd-
ýaryn, siz Meni gudrat göreniňiz üçin
däl-de, çörek iýip doýanyňyz üçin ag-
tarýarsyňyz. 27 Zaýalanýan iýmit üçin
däl-de, baky ýaşaýyş berýän iýmit üçin
yhlas ediň, ony size Ynsan Ogly berer.
Çünki Atamyz Hudaýyň Özi bu işi Oňa
tabşyrandyr» diýip jogap berdi. 28 Ondan:
«Biz Hudaýyň işlerini berjaý etmek üçin
näme etmeli?» diýip soradylar. 29 Isa
olara: «Hudaýyň işini berjaý etmek is-
leýän bolsaňyz, Onuň Iberenine iman
ediň» diýip jogap berdi. 30 Olar ýene-
de: «Görüp, Saňa iman ederimiz ýaly,
Sen nähili gudratly alamat görkezersiň?
Hany, näme edersiň? 31 Biziň ata-babala-
rymyz çölde manna iýdiler. Mukaddes
Ýazgylarda bu barada: „Olara iýmek üçin
gökden çörek berdi“ diýip ýazylan» diý-
diler. 32 Isa olara: «Men size dogrusyny
aýdýaryn, size gökden çörek beren Musa
däl. Gökden size hakyky çöregi Meniň
Atam berýär. 33 Çünki Hudaýyň çöregi
gökden inip, dünýä ýaşaýyş berýändir»
diýdi. 34 Olar Oňa: «Agam, şol çöregi
bize hemişe ber» diýdiler. 35 Isa olara
şeýle diýdi: «Ýaşaýyş çöregi Mendi-
rin, Maňa gelen asla ajykmaz, Maňa
iman eden asla suwsamaz. 36 Aýdyşym
ýaly, siz Meni gördüňiz, emma Maňa
iman etmeýärsiňiz. 37 Atamyň Maňa
beren adamlarynyň bary Maňa geler,
Men ýanyma gelenleri asla kowmaryn.
38 Çünki Men Öz yradamy däl-de, Meni
Ibereniň yradasyny berjaý etmek üçin
gökden indim. 39 Meni Ibereniň yrada-
sy bolsa, Onuň Özüme berenleriniň
hiç birini ýitirmän, olary ahyrky gün
gaýtadan direltmegimdir. 40 Ogly gören
we Oňa iman eden her bir adamyň baky
ýaşaýşa gowuşmagy Atamyň yradasy-
dyr. Men-de bu adamlary ahyrky gün
gaýtadan direlderin». 41 «Gökden inen
çörek Mendirin» diýeni üçin ýahudy-
laryň baştutanlary Oňa garşy çykyp
hüňürdeşdiler. 42 Olar: «Bu Ýusubyň
ogly Isa dälmi? Biz Onuň ata-enesi-
ni tanaýarys. Ol nähili „Men gökden
indim“ diýýär?» diýişdiler. 43 Isa olara
şeýle diýdi: «Özara hüňürdeşmäňizi bes
ediň. 44 Eger Meni iberen Atanyň Özi
getirmese, hiç kim Maňa gelip bilmez.
Ýanyma gelen adamy bolsa, Men ahyrky
gün direlderin. 45 Pygamberleriň ýazgy-
larynda: „Olaryň hemmesi Hudaýdan
taglym alarlar“ diýip ýazylan. Atadan
eşidip, Ondan taglym alan her kes Maňa
geler. 46 Aslynda hiç kim hiç wagt Ata-
ny gören däldir. Atany diňe Hudaýdan
Gelen görendir. 47 Men size dogrusyny
aýdýaryn, Maňa iman eden baky ýaşaýşa
gowşandyr. 48 Ýaşaýyş çöregi Mendirin.
49 Ata-babalaryňyz çölde manna iýen-
diklerine garamazdan, öldüler. 50 Emma
gökden inen bir çörek bar, ondan iýýän

**6:31** Msr 16:4-5; Zeb 77:24; 105:40. **6:45** Işa 54:13.

adam hiç ölmez. 51 Gökden inen diri çö-
rek Mendirin. Mundan iýen adam baky
ýaşar. Dünýäniň ýaşaýşy üçin berjek
çöregim Meniň Öz bedenimdir».

52 Onsoň ýahudylar: «Bu Adam Öz be-
denini bize iýmäge nähili berip biler?»
diýşip, özara jedelleşmäge başladylar.
53 Isa olara: «Men size dogrusyny aýd-
ýaryn, Ynsan Oglunyň bedenini iýip,
ganyny içmeseňiz, sizde ýaşaýyş bolmaz.
54 Meniň bedenimi iýip, ganymy içen
baky ýaşaýşa gowşar. Ahyrky gün Men
ony direlderin. 55 Meniň bedenim hakyky
iýmit, ganym hakyky içgidir. 56 Meniň
bedenimi iýip, ganymy içýän Mende
ýaşar, Men hem onda. 57 Meni Diri Ata
iberdi we Men Ol arkaly ýaşaýaryn. Edil
şunuň ýaly, Menden iýmitlenýän-de Men
arkaly ýaşar. 58 Hawa, gökden inen çö-
rek budur. Seret, bu ata-babalaryňyzyň
iýen mannasy ýaly däldir. Olar manna
iýseler-de, ölüp gitdiler, emma bu çö-
regi iýen adam baky ýaşar» diýdi. 59 Ol
bu sözleri Kapernaumdaky sinagogada
öwredýärkä aýtdy.

### *Köp adamlar Isany terk edýärler*

60 Şägirtleriň köpüsi muny eşidip: «Bu
sözler agyr. Muny kim kabul edip biler?»
diýişdi. 61 Isa şägirtleriň muňa hüňürdeş-
ýänini bilip, olara: «Bu siziň janyňyza
batýarmy? 62 Onda siz Ynsan Oglunyň
owal bolan ýerine gaýtadan çykanyny
görseňiz näme diýerkäňiz? 63 Ýaşaýyş
berýän Ruhdur, ynsan güýjüniň peýda-
sy ýokdur. Meniň size aýdýan sözlerim
Mukaddes Ruhdandyr we ýaşaýyş ber-
ýändir. 64 Ýöne siziň araňyzda käbir iman
etmeýänler bar» diýdi. Çünki Isa kimiň
iman etmeýändigini we Özüne kimiň
haýynlyk etjekdigini ilkibaşdan bilýärdi.
65 Ol: «Atanyň Özi getirmese, hiç kim
Maňa gelip bilmez diýip, Men size şo-
nuň üçin aýtdym» diýdi. 66 Şondan soň
şägirtleriniň köpüsi Ondan ýüz öwürdi-
ler we Onuň yzyna eýermegi bes etdiler.
67 Şonda Isa Onkilerden: «Siz hem Meni
terk etmekçimisiňiz?» diýip sorady. 68 Si-
mun Petrus Oňa: «Agam, biz Seni terk
edip, başga kime baraly? Baky ýaşaýyş
sözleri diňe Sende ahyryn. 69 Biz Seniň
Hudaýyň Mukaddesidigiňe[a] ynanýarys
we muny anyk bilýäris» diýip jogap
berdi. 70 Isa olara: «Siz Onkileri Özüm
saýlap almadymmy? Muňa garamazdan,
araňyzdan biri iblisdir» diýip jogap
berdi. 71 Ol muny Simun Iskariýodyň
ogly Ýudany göz öňünde tutup aýtdy.
Sebäbi Ýudas Onkileriň biri bolsa-da,
soňra Isa haýynlyk etdi.

## 7-nji bap

### *Isa Iýerusalime gidýär*

1 Şondan soň Isa Jelilede aýlanmaga
başlady. Ýahudylaryň baştutanlary Onuň
kastyna çykansoňlar, Ol Ýahudyýada
gezmek islemeýärdi. 2 Ýahudylaryň Çat-
ma baýramy golaýlapdy. 3 Şonuň üçin
Isanyň inileri Oňa: «Bu ýerden çykyp,
Ýahudyýa git, edýän işleriňi şägirtleriň
görsün. 4 Özüni açyk tanatmak isleýän
adam gizlin iş edýän däldir. Sen bu zat-
lary edýän bolsaň, Özüňi dünýä görkez»
diýdiler, 5 sebäbi Oňa hatda inileri-de
ynanmaýardylar. 6 Isa olara: «Meniň
wagtym entek dolanok, ýöne siziň üçin
islendik wagt pursatdyr. 7 Dünýä sizi
ýigrenip bilmez, emma Meni ýigrenýär,
sebäbi Men onuň işleriniň erbetdigine

---

[a] **6:69** ***Biz Seniň Hudaýyň Mukaddesidigiňe*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Biz Seniň Mesihdigiňe, diri Hudaýyň Ogludygyňa* diýip duş gelýär.

şaýatlyk edýärin. [8]Siz baýrama gidiň,
Men bu baýrama gitjek däl. Sebäbi Me-
niň wagtym entek dolanok» diýip jogap
berdi. [9]Olara şeýle diýip, Ol Jelilede
galdy. [10]Emma inileri baýrama giden-
lerinden soň, Isa-da gitdi, ýöne aç-açan
däl-de, gizlin gitdi.

[11]Ýahudylaryň baştutanlary baýram-
çylykda Ony idäp: «Ol nirede?» diýip
soraýardylar. [12]Mähelläniň arasynda Ol
hakda köp gürrüň edildi. Käbirleri «Ol
gowy adam» diýse, başgalary «Ol halky
azdyrýar» diýýärdiler. [13]Ýöne ýahudy
ýolbaşçylaryndan gorkup, hiç kim Ol
hakda açyk gürrüň edip bilmeýärdi.

[14]Baýramçylygyň ýarysy geçende, Isa
ybadathana baryp, öwretmäge başlady.
[15]Ýahudylar haýran galyp: «Bu adam hiç
ýerde okamadyk bolsa-da, Mukaddes
Ýazgylary nireden bilýärkä?» diýiş-
ýärdiler. [16]Isa olara şeýle jogap berdi:
«Meniň öwredýänlerim Özümiňki däl,
Meni Ibereniňkidir. [17]Hudaýyň yrada-
syny berjaý etmek isleýän adam Meniň
öwredýänlerimiň Hudaýdandygyna ýa-
da Özümdendigine göz ýetirer. [18]Kim
özünden sözleýän bolsa, özüne şöhrat
gözleýändir. Kim özüni iberene şöhrat
gözleýän bolsa, hakykaty sözleýändir,
onuň sözlerinde ýalan ýokdur. [19]Musa si-
ze Mukaddes Kanuny bermedimi näme?
Ýöne siziň hiç biriňiz bu Kanuny berjaý
etmeýärsiňiz. Näme üçin Meni öldürjek
bolýarsyňyz?» [20]Mähelle Oňa: «Sen
jynly, kim Seni öldürjek bolýar?» diýdi.
[21]Isa olara: «Men bir gudrat görkez-
dim, oňa hemmäňiz haýran galýarsyňyz.
[22]Özüňiz bolsa, Musanyň kanunyny
berjaý edýäris diýip hem, Sabat güni
çagalary sünnet edýärsiňiz. Aslynda
sünnet Musadan däl-de, ata-babalardan
galandyr. [23]Şeýlelikde, Musanyň kanuny
bozulmasyn diýip hem, özüňiz Sabat
güni sünnet edýäňiz. Onda näme üçin
Sabat güni bir adamy bütinleý sagal-
dandygym üçin Meni ýazgarýarsyňyz?
[24]Daşky görnüşe görä höküm çykarmaň,
hökümiňiz adalatly bolsun» diýdi.

### *Isa Mesihmidir?*

[25]Bu ýerde iýerusalimlileriň käbirleri:
«Olaryň öldürjek bolýan Adamy şu däl-
mi? [26]Ine, Ol arkaýyn gürrüň berip dur,
Oňa garşy hiç kim hiç zat diýmeýär. Bi-
ziň ýolbaşçylarymyz Onuň Mesihdigini,
hakykatdanam, bilýän bolaýmasynlar?!
[27]Ýöne biz bu Adamyň niredendigini
bilýäris. Mesih gelende bolsa Onuň ni-
redendigini hiç kim bilmez» diýişdiler.
[28]Onsoň Isa ybadathanada öwredip dur-
ka, gaty ses bilen şeýle diýdi: «Hawa,
siz Meni hem tanaýarsyňyz, nireden-
digimi hem bilýärsiňiz. Emma Men
Öz-Özümden gelemok, Meni Iberen
hakdyr, siz Ony tanamaýarsyňyz. [29]Men
Ony tanaýaryn, sebäbi Men Ondan ge-
lendirin. Meni iberen Oldur». [30]Şondan
soň Ony tutjak boldular, ýöne hiç kim
Oňa el galdyrmady, sebäbi entek Onuň
wagty dolmandy. [31]Barybir mähelläniň
köpüsi Oňa iman edip: «Mesih gelende,
şunuňkydan köp gudratly alamat görke-
zermi?» diýşip pyşyrdaşdy. [32]Fariseýler
halkyň Isa hakyndaky bu pyşyrdylaryny
eşitdiler. Onsoň ýolbaşçy ruhanylar bilen
fariseýler Ony tutmak üçin garawullary
iberdiler. [33]Isa: «Men ýene az salym siziň
ýanyňyzda bolup, soňra Özümi Ibereniň
ýanyna giderin. [34]Siz Meni gözlärsiňiz,
ýöne tapmarsyňyz. Meniň barjak ýerime
siz baryp bilmersiňiz» diýdi. [35]Onsoň
ýahudylaryň baştutanlary biri-birine:

**7:22** Lew 12:3.

«Bu Adam biz tapyp bilmez ýaly, ni-
rä gitjekkä? Grekleriň arasyna dargap
giden ýahudylaryň ýanyna gidip, grek-
lere-de öwretjekmikä? 36 Munuň „Meni
gözlärsiňiz, ýöne tapmarsyňyz, Meniň
barjak ýerime siz baryp bilmersiňiz“
diýýäni nämekä?» diýişdiler. 37 Baýra-
myň soňky we iň esasy güni Isa ör turup,
mähellä: «Suwsaýanlar Meniň ýanyma
gelip, teşneligini gandyrsynlar. 38 Kim
Maňa iman etse, Mukaddes Ýazgylarda
aýdylyşy ýaly, onuň içinden ýaşaýyş su-
wunyň bulaklary akar» diýip gygyrdy.
39 Ol muny Özüne iman edenleriň aljak
Mukaddes Ruhy barada aýdýardy. Olara
entek Mukaddes Ruh inmändi, sebäbi Isa
entek şöhratlandyrylmandy. 40 Mähellä-
niň içinden käbirleri bu sözi eşidip: «Bu
hakykatdan hem şol geljek pygamberdir»
diýdiler. 41 Başgalary: «Bu Mesihdir»
diýdiler, emma käbirleri: «Bolup bilmez!
Mesih, heý-de, Jelileden gelermi? 42 Mu-
kaddes Ýazgylarda: „Mesih Dawudyň
neslinden, Dawudyň ýaşan Beýtullaham
şäherinden geler“ diýip ýazylmanmy
näme?» diýdiler. 43 Şeýlelikde, mähel-
läniň arasynda Isa barada agzalalyk
döredi. 44 Olardan käbiri Ony tutmak
isledi, ýöne hiç kim Oňa el degirmedi.

### *Ýahudylaryň baştutanlary Isa ynanmaýarlar*

45 Ahyrsoňy ybadathana garawullary
gaýdyp geldiler we ýolbaşçy ruhanylar
bilen fariseýler olardan: «Näme üçin Ony
getirmediňiz?» diýip soradylar. 46 Yba-
dathana garawullary: «Hiç kim hiç wagt
bu Adamyň gepleýşi ýaly geplemändi»
diýip jogap berdiler. 47 Fariseýler olara:
«Siz hem aldandyňyzmy? 48 Ýolbaşçy-
lardan ýa-da fariseýlerden, heý, Oňa
iman eden barmy? 49 Ýokdur! Emma
Töwrady bilmeýän bu nadan halk nälet
astyndadyr!» diýdiler. 50 Şonda fariseý-
leriň arasyndan biri, ozal Isanyň ýanyna
baran Nikodim olara: 51 «Kanunymyza
görä bir adamy öňürti diňlemän, näme
edenini bilmän, oňa höküm çykarmak
dogrumydyr?» diýdi. 52 Olar: «Sen hem
jelilelimi? Mukaddes Ýazgylara ser sal,
Jelileden hiç wagt pygamber çykmaja-
gyny görersiň» diýdiler.
53 Soňra hemmesi öýli-öýüne gaýtdy.

## 8-nji bap

### *Zynada tutulan aýal*

1 Isa bolsa Zeýtun dagyna gitdi. 2 Er-
tesi irden Ol ýene ybadathana bardy,
ähli halk Onuň ýanyna geldi; Isa olara
öwretmäge başlady. 3 Töwrat mugallym-
lary bilen fariseýler zynada tutulan bir
aýaly alyp geldiler. Aýaly hemmäniň
öňünde duruzdylar. 4 Onsoň olar Isa
ýüzlenip: «Mugallym, bu aýal zynada
tutuldy. 5 Musa Töwratda bular ýalylary
daşlap öldürmegi buýrupdyr. Sen muňa
näme diýersiň?» diýip soradylar. 6 Olar
muny Isany synamak üçin sorapdylar,
sebäbi Ony aýyplamak üçin tutaryk
agtarýardylar. Isa aşak oturyp, barmagy
bilen ýere bir zatlar ýazmaga başlady.
7 Ondan soramagy dowam etdirenlerin-
de, Isa dikelip: «Siziň araňyzda kimiň
günäsi ýok bolsa, bu aýala daşy ilki şol
atsyn» diýdi. 8 Ol ýene-de aşak oturyp,
ýere bir zatlar ýazmaga durdy. 9 Muny
eşidip, ýaşululardan başlap, hemmesi
ýeke-ýekeden gitmäge başlady. Diňe
Isa bilen Onuň öňünde duran aýal gal-
dy. 10 Isa dikelende, aýaldan başga hiç
kime gözi düşmänsoň, oňa: «Eý, naçar,

**7:51** Kan 17:6; Msr 23:1.

beýlekiler hany? Hiç kim seni hököm
etmedimi?» diýip sorady. [11] Aýal: «Ýok,
Agam» diýdi. Isa: «Men hem seni hököm
edemok. Bar, gidiber, mundan beýläk
günä iş etme» diýdi.

### *Hakyky şaýatlyk*

[12] Isa ýene-de halka ýüzlenip: «Dün-
ýäniň nury Mendirin. Meniň yzyma
eýeren garaňkylykda gezmez, onda
ýaşaýyş nury bolar» diýdi. [13] Fariseýler
Oňa: «Sen Öz-Özüňe şaýatlyk edýärsiň,
Seniň şaýatlygyň hakyky däl» diýdiler.
[14] Isa olara: «Men Öz-Özüme şaýatlyk
edýän hem bolsam, Meniň şaýatlygym
hakdyr. Sebäbi Men nireden gelip, ni-
rä barýanymy bilýärin, ýöne Meniň
nireden gelenimi ýa nirä barýanymy
siz bilmeýärsiňiz. [15] Siz ynsan ölçegi
bilen höküm çykarýarsyňyz, Men hiç
kimiň üstünden höküm çykarmaýaryn.
[16] Men höküm çykaraýsam-da, hökümim
hakdyr, çünki Men ýeke däl-de, Özü-
mi iberen Ata bilendirin. [17] Töwratda
iki adamyň şaýatlygy hak diýlip ýa-
zylgydyr. [18] Men Özüm hakda şaýatlyk
edýärin, Meni iberen Ata-da Men hak-
da şaýatlyk edýär» diýip jogap berdi.
[19] Onsoň Isadan: «Seniň Ataň nirede?»
diýip soradylar. Isa olara: «Siz ne Meni
tanaýarsyňyz, ne-de Meniň Atamy. Meni
tanaýan bolsadyňyz, Meniň Atamy-
da tanardyňyz» diýdi. [20] Ol bu sözleri
ybadathanada öwredýärkä sadaka gu-
tusynyň ýanynda aýtdy, ýöne hiç kim
Ony tutjak bolmady, sebäbi Onuň wagty
entek dolmandy. [21] Isa olara ýene: «Men
gidip barýaryn; siz Meni gözlärsiňiz we
günäňiziň içinde ölersiňiz. Siz Meniň
barýan ýerime baryp bilmersiňiz» diýdi.
[22] Ýahudylaryň baştutanlary: «Ol Özüni
öldürjekmikä? Ol şonuň üçin Meniň
barýan ýerime baryp bilmersiňiz diý-
ýärmikä?» diýişdiler. [23] Isa olara: «Siz
aşakdansyňyz, Men ýokardandyryn;
siz bu dünýädensiňiz, Men bolsa, bu
dünýäden däldirin. [24] Munuň üçin Men
size „günäňiziň içinde ölersiňiz“ diý-
dim, çünki Meniň Biribardygyma iman
etmeseňiz, günäňiziň içinde ölersiňiz»
diýdi. [25] Ondan: «Sen kimsiň?» diýip
soradylar. Isa olara: «Ozal-başdan size
kim diýip aýdan bolsam, Şolduryn. [26] Si-
zi aýyplap aýtjak zatlarym köp. Meni
Iberen hakdyr, Men Ondan eşidenlerimi
dünýä äşgär edýärin» diýip jogap berdi.
[27] Olar Isanyň Öz Atasy barada aýdýan-
dygyna düşünmediler. [28] Soňra Isa olara:
«Ynsan Ogluny haçda ýokary göteren
mahalyňyz, Meniň Şoldugymy biler-
siňiz. Şeýle hem Meniň Özümden hiç
zat etmändigime, diňe Atamyň öwreden
zatlaryny aýdandygyma düşünersiňiz.
[29] Meni Iberen Meniň bilendir, Ol Meni
ýeke taşlap gitmedi. Sebäbi Men hemi-
şe Oňa ýaraýan zatlary edýärin» diýdi.
[30] Bulary aýdanda, ençeme adamlar Oňa
iman etdiler.

### *Ybraýymyň nesilleri*

[31] Onsoň Isa Özüne iman eden ýahu-
dylara: «Meniň sözümi berjaý etseňiz,
hakykatdan hem, Meniň şägirtlerim
bolarsyňyz; [32] Siz hakykaty bilersiňiz,
hakykat-da sizi azat eder» diýdi. [33] Olar
Isadan «Biz Ybraýymyň neslidiris, hiç
wagt hiç kime gul bolan däldiris. Onsoň
nädip Sen bize azat bolarsyňyz diýip bil-
ýärsiň?» diýdiler. [34] Isa olara şeýle jogap
berdi: «Men size dogrusyny aýdýaryn,
günä edýän kişi günäniň guludyr. [35] Gul
hiç haçan öýüň agzasy bolup bilmez,

**8:17** Kan 19:15.

ýöne Ogul öýüň hemişelik agzasydyr.
36 Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse,
siz, hakykatdan hem, azat bolarsyňyz.
37 Siziň Ybraýymyň nesilleridigiňizi bil-
ýärin, ýöne siz Meniň kastyma çykdyňyz,
sebäbi siz Meniň sözüme öz kalbyňyz-
dan orun bereňzok. 38 Men size Atamyň
ýanynda görenlerimi aýdýaryn, siz hem
öz ataňyzdan görenleriňizi edýärsiňiz».
39 Olar Oňa: «Biziň atamyz Ybraýym-
dyr» diýdiler. Isa olara: «Siz Ybraýymyň
perzentleri bolýan bolsaňyz, Ybraýymyň
işlerini ederdiňiz. 40 Emma siz Meni, ýag-
ny Hudaýdan eşiden hakykaty aýdýan
Ynsany öldürmekçi bolýarsyňyz. Ybra-
ýym beýle iş etmändi. 41 Siz Ybraýymyň
däl-de, öz ataňyzyň işlerini edýärsiňiz»
diýdi. Olar Oňa: «Biz zynadan doglan
däl, biziň ýeke-täk bir Atamyz bar, Ol
Hudaýyň Özüdir» diýdiler. 42 Isa olara
şeýle diýdi: «Eger Ataňyz Hudaý bol-
sa, onda Meni söýerdiňiz, sebäbi Men
Hudaýdan geldim, Öz-Özümden gel-
medim, Meni Ol iberdi. 43 Näme üçin
Meniň aýdýanlaryma düşünmeýärsiňiz?
Sebäbi siz Meniň aýdýanlarymy diňle-
megi başarmaýarsyňyz. 44 Siziň ataňyz
iblisdir, siz onuň islegini berjaý etmek
isleýärsiňiz. Ol owaldan ganhordy, hiç
wagt hakykatyň tarapdary bolmandy,
sebäbi onda hakykat ýok. Ol ýalan söz-
lände, öz-özünden sözleýär, çünki ol
ýalançy, ýalanyň atasydyr. 45 Emma Men
hakykaty aýdýandyryn. Şonuň üçinem
siz Maňa iman etmeýärsiňiz. 46 Siziň
haýsyňyz Maňa günä ýöňkäp bilersiňiz?
Eger Men hakykaty aýdýan bolsam, onda
näme üçin siz Maňa iman etmeýärsiňiz?
47 Kim Hudaýa degişli bolsa, Hudaýyň
sözlerini diňleýändir. Siz diňlemeýärsi-
ňiz, sebäbi siz Hudaýa degişli dälsiňiz».

### *Isanyň şöhraty*

48 Ýahudylar Oňa: «Saňa jyn uran samari-
ýaly diýip, biz dogry aýdypdyrys!» diýdiler.
49 Isa olara jogap berip: «Meni jyn uranok!
Men Atamy hormatlaýaryn, emma siz
Meni hormatlamaýarsyňyz. 50 Men Özüme
şöhrat agtarmaýaryn, Men şöhratlandyrýan
Biri bar. Kazylyk Edýän-de Oldur. 51 Men
size dogrusyny aýdýaryn, Meniň sözüme
uýýan adam asla ölüm garasyny görmez»
diýdi. 52 Ýahudylar Oňa: «Seni jyn uran-
dygyny indi anyk bildik. Ybraýym-da,
pygamberler-de öldi. Emma Sen: „Meniň
sözüme uýýan adam hiç haçan ölmez“ diý-
ýärsiň. 53 Eýsem, Sen atamyz Ybraýymdan
hem beýikmi? Ol-da, pygamberler-de öldi.
Sen Özüňi kimdirin öýdýärsiň?» diýdiler.
54 Isa olara şeýle jogap berdi: «Men Özümi
şöhratlandyrsam, onda bu şöhrat puç bolar.
Meni şöhratlandyrýan Öz Atamdyr; siz Oňa
Hudaýymyz diýýärsiňiz. 55 Ýöne siz Ony
tanamaýarsyňyz, Men Ony tanaýaryn. Eger
Ony tanamaýaryn diýsem, onda Men hem
siziň ýaly ýalançy bolaryn. Emma Men Ony
tanaýaryn we Onuň sözüni ýerine ýetirýärin.
56 Ataňyz Ybraýym Meniň geljek günüme
garaşyp, şatlanýardy. Ol şol güni görüp, juda
begendi». 57 Ýahudylar Ondan: «Heniz elli
ýaşa-da barmadyk halyňa Sen Ybraýymy
gördüňmi?» diýip soradylar. 58 Isa olara:
«Size dogrusyny aýdýaryn, Ybraýym do-
gulmazyndan öň „Men bardyryn“» diýdi.
59 Şonda Isany daşlamakçy boldular, emma
Ol gizlenip, ybadathanadan çykyp gitdi.

## 9-njy bap

### *Isa bir dogabitdi köri sagaldýar*

1 Isa geçip barýarka, bir dogabitdi
kör adamy gördi. 2 Şägirtleri Ondan:

**8:58** Msr 3:14-15.

«Mugallym, bu adamyň kör bolup do-
gulmagyna kim günäkär? Onuň özi
günäkärmi ýa-da ene-atasy?» diýip so-
radylar. 3 Isa olara: «Muňa ol adamyň
özi hem, ene-atasy hem günäkär däl. Bu
onda Hudaýyň işleriniň görkezilmegi
üçin boldy. 4 Özümi Ibereniň işlerini Men
gündiz etmeli. Gije ýetip gelýär, şonda
hiç kim işläp bilmez. 5 Men dünýäde-
käm, dünýäniň nury Mendirin» diýip
jogap berdi. 6 Onsoň Isa ýere tüýkürdi-de,
tüýküliginden palçyk ýasap, ony körüň
gözüne sürtdi. 7 Soňra oňa: «Git-de, Silo-
ýam howzunda ýuwun» diýdi. (Siloýam
«Iberilen» diýmekdir.) Ol gidip ýuwundy
we yzyna gözleri açylyp geldi. 8 Goňşula-
ry we onuň owal dilegçilik edip ýörenini
görenler: «Bu oturyp, dilegçilik edýän
adam dälmi?» diýip soradylar. 9 Käbir-
leri: «Şol» diýdiler; käbirleri: «Ýok, bu
şoňa meňzeş» diýdiler. Ýöne onuň özi:
«Hawa, men şol adam» diýdi. 10 Ondan:
«Şeýle bolsa, onda gözleriň nähili açyl-
dy?» diýip soradylar. 11 Ol: «Isa diýen
Adam palçyk ýasap, gözüme sürtdi-de:
„Siloýam howzuna git-de, ýuwun“ diý-
di. Men hem gidip ýuwundym welin,
gözlerim açylaýdy» diýip jogap berdi.
12 Ondan: «Şol Adam nirede?» diýip so-
radylar. Ol: «Bilemok» diýip jogap berdi.

13 Ozal kör bolan bu adamy fariseýleriň
ýanyna getirdiler. 14 Isanyň palçyk ýasap,
onuň gözlerini açan güni Sabat günü-
di. 15 Fariseýler-de onuň gözüniň nähili
açylandygy barada soradylar. Ol adam:
«Ol meniň gözüme palçyk sürtdi, onsoň
ýuwundym. Indi men görýärin» diýip
jogap berdi. 16 Fariseýleriň käbirleri: «Ol
Adam Hudaýdan däl, sebäbi Sabat günü-
ni saklamaýar» diýdiler. Başgalary bolsa:
«Eýsem günäkär adam beýle gudratly
alamatlary görkezip bilermi?» diýdi-
ler. Şeýdip, olaryň arasynda agzalalyk
döredi. 17 Olar ýene-de körden: «Gözüňi
açan şol Adam barada näme diýýärsiň?»
diýip soradylar. Ol hem: «Ol bir pygam-
ber» diýdi. 18 Ýahudylaryň baştutanlary
gözleri açylan adamyň ejesi bilen kaka-
syny çagyryp soraýançalar, onuň ozal
kör bolup, indi gözleriniň açylandygyna
ynanmadylar. 19 Olardan: «Kör doguldy
diýýän ogluňyz şumy? Indi bu nädip
görýär?» diýip soradylar. 20 Onuň ejesi
bilen kakasy olara: «Munuň öz oglumyz-
dygyny, onuň kör doglandygyny bilýäris.
21 Ýöne onuň indi nädip görýändigini
ýa-da onuň gözüni kimiň açandygyny
biz bilmeýäris. Ol indi bir ýetişen ýigit,
özünden soraň, goý, özi aýdyp bersin»
diýip jogap berdiler. 22 Onuň ejesi bilen
kakasy ýahudylaryň baştutanlaryndan
gorkularyna şeýle diýdiler. Sebäbi ýa-
hudylar Isanyň Mesihdigini ykrar eden
adamy sinagogadan kowmak barada
dil birikdiripdiler. 23 Şonuň üçin onuň
ejesi bilen kakasy: «Ol bir ýetişen ýigit,
özünden soraň» diýdiler. 24 Şeýlelik bi-
len, fariseýler ozalky köri ikinji gezek
çagyryp, oňa: «Hudaýyň haky üçin
hakykaty aýt. Biz ol Adamyň günä-
kärdigini bilýäris» diýdiler. 25 Ol adam:
«Onuň günäkärdigini ýa-da däldigini
bilemok. Ýöne men bir zady bilýärin:
ozal kördüm, indi görýärin» diýip jogap
berdi. 26 «Ol saňa näme etdi? Gözüňi nä-
dip açdy?» diýip, ondan ýene soradylar.
27 Ol bulara: «Men ýaňy aýtdym ahyry,
ýöne diňlemediňiz. Näme üçin ýene
eşitmek isleýärsiňiz? Ýa sizem Onuň
şägirtleri bolmakçymy?» diýip jogap
berdi. 28 Oňa sögüp: «Onuň şägirdi –
sensiň, biz Musanyň şägirdidiris. 29 Biz
Hudaýyň Musa bilen gepleşendigini
bilýäris, bu Adamyň bolsa niredendi-
gini-de bilmeýäris» diýdiler. 30 Ýaňky
adam olara şeýle jogap berdi: «Haýran

galaýmaly! Siz Onuň niredendigini-de
bilmeýärsiňiz, Ol bolsa meniň gözlerimi
açdy. 31 Hudaýyň günäkärleri diňleme-
ýändigini bilýäris, emma kim Oňa sežde
edip, Onuň yradasyny berjaý etse, Hudaý
ony diňleýär. 32 Dogabitdi körüň gözüniň
açylmagy henize çenli görlüp-eşidilen
zat däl. 33 Eger Ol Hudaýdan bolmadyk
bolsa, hiç zat edip bilmezdi». 34 Oňa:
«Sen bütinleý günä içinde doglup, indi
bize akyl satýarmyň?» diýdiler. Şeýlelik-
de, ony sinagogadan kowup çykardylar.

### *Ruhy körlük*

35 Ony kowup goýberenlerini eşiden
Isa ýaňky adamy tapyp: «Sen Ynsan
Ogluna[a] iman edýärmiň?» diýdi. 36 Ol
hem Oňa: «Aga, aýtsana, Ol kimkä?
Men Oňa iman edeýin» diýip jogap
berdi. 37 Isa oňa: «Sen Ony gördüň. Ine,
seniň bilen gepleşip duran Şoldur» diýdi.
38 Ol hem: «Ýa Reb, iman edýärin» diýip,
Oňa sežde etdi. 39 Isa oňa: «Men bu dün-
ýä görmeýänler görsün, görýänler kör
bolsun diýip, höküm çykarmaga geldim»
diýdi. 40 Muny diňläp duran fariseýleriň
käbiri Ondan: «Eýsem bizem körmi?»
diýip soradylar. 41 Isa olara: «Kör bolan
bolsadyňyz, günäňiz bolmazdy, emma
görýäris diýeniňiz üçin günäňiz öz boý-
nuňyzda galar» diýdi.

## 10-njy bap

### *Gowy çopan*

1 Isa ýene-de söze başlady: «Men size
dogrusyny aýdýaryn, goýun agylyna ga-
pysyndan girmän, başga ýerinden aşyp
girýän adam ogrudyr hem garakçydyr.
2 Gapydan girýän adam bolsa goýunla-
ryň çopanydyr. 3 Sakçy oňa gapyny açyp
berýändir. Goýunlar çopanyň sesini
eşidýändirler. Çopan hem goýunlaryny
atma-at çagyryp, olary örä alyp çyk-
ýandyr. 4 Çopan goýunlaryny agyldan
alyp çykandan soň, olaryň öňünden
ýöreýändir, onuň sesini tanaýan go-
ýunlar bolsa, onuň yzyna düşýändirler.
5 Olar kesekiniň yzyna düşýän däldirler,
ondan gaçýandyrlar, sebäbi kesekiniň
sesini tanaýan däldirler». 6 Şeýdip, Isa
olara bu tymsaly gürrüň berdi, emma
olar munuň manysyna düşünmediler.
7 Isa ýene-de olara şeýle diýdi: «Size
dogrusyny aýdýaryn, goýunlar üçin
gapy Mendirin. 8 Menden öň gelenle-
riň ählisi ogrudylar hem garakçydylar,
goýunlar olara gulak asmadylar. 9 Gapy
Mendirin. Kim şu gapydan girse, halas
bolar. Ol girip-çykyp, özüne otlag ta-
par. 10 Ogry diňe ogurlamak, öldürmek,
ýok etmek üçin gelýändir. Emma Men
olara ýaşaýyş, bolelin ýaşaýyş bermek
üçin geldim. 11 Men gowy çopandyryn.
Gowy çopan goýunlary üçin janyny
pida edýändir. 12 Hakyna tutulan adam
goýunlaryň hakyky çopany ýa-da eýesi
däldir. Şonuň üçin ol möjegiň gelýäni-
ni görse, goýunlary taşlap gaçýandyr.
Möjek süriniň üstüne çozup, olary
dargadýandyr. 13 Ol adam gaçyp gider,
sebäbi ol hakyna tutulandyr. Ol goýun-
lar hakda hiç hili alada etmez. 14-15 Men
gowy çopandyryn. Edil Atamyň Meni,
Meniňem Atamy tanaýşym ýaly, Men
goýunlarymy tanaýandyryn. Olar-da
Meni tanaýandyrlar; Men goýunlarym
üçin janymy pida edýärin. 16 Meniň bu
agyldakylardan başga-da goýunlarym
bar. Men olary hem ýygnamalydyryn.
Olar hem Meniň sesimi eşiderler, şonda
bir süri, bir çopan bolar. 17 Men janymy

[a] **9:35** ***Ynsan Ogluna*** – käbir golýazmalarda *Hudaýyň Ogluna*.

gaýtadan almak üçin pida edýärin. Şol
sebäpden Atam Meni söýýär. [18] Janymy
Menden hiç kim almaýar, Özüm pida
edýärin. Meniň janymy pida etmäge-de,
ony gaýtadan almaga-da ygtyýarym
bar. Men bu buýrugy Atamdan aldym».
[19] Bu sözler sebäpli, ýahudylaryň arasy-
na ýene-de agzalalyk döredi. [20] Olaryň
köpüsi: «Ony jyn urupdyr, Ol däliräp-
dir. Näme üçin siz Ony diňleýärsiňiz?»
diýdi. [21] Başgalar bolsa: «Bular jyn uran
adamyň aýtjak sözleri däl. Jyn körleriň
gözüni açyp bilermi?» diýdiler.

### *Ýahudylaryň baştutanlary iman etmeýärler*

[22] Şol wagt gyş paslydy, Iýerusalimde
Nur baýramy bellenilýärdi. [23] Isa ybadat-
hanada Süleýmanyň eýwany diýen ýerde
gezmeläp ýördi. [24] Mesih Ýahudylaryň
baştutanlary Onuň daşyna üýşüp: «Sen
haçana çenli bizi alasarmyk edip goýjak?
Eger Mesih bolsaň, anygyny aýt» diýdi-
ler. [25] Isa olara: «Men size aýtdym, ýöne
siz iman etmeýärsiňiz. Atamyň ady bilen
eden işlerim Meniň kimdigime şaýatlyk
edýär. [26] Ýöne siz iman etmeýärsiňiz,
sebäbi size aýdyşym ýaly, siz Meniň go-
ýunlarymdan däl. [27] Meniň goýunlarym
sesime gulak asýarlar, Men hem olary
tanaýaryn, olar Meniň yzyma düşýär-
ler. [28] Men olara baky ýaşaýyş berýärin.
Olar asla heläk bolmaz, hiç kim olary
Meniň elimden kakyp almaz. [29] Olary
Maňa beren Atam hemmeden beýikdir.
Atamyň elinden olary hiç kim alyp bil-
mez. [30] Atam Ikimiz birdiris» diýip jogap
berdi. [31] Ýahudylaryň baştutanlary Ony
daşlajak bolup, ýene ýerden daş aldylar.
[32] Isa olara: «Men Atam tarapyndan size
köp ýagşylyklar etdim. Bularyň haýsysy
üçin Meni daşlajak bolýarsyňyz?» diýdi.
[33] Ýahudylaryň baştutanlary Oňa: «Biz
Seni ýagşy iş edýänligiň üçin däl-de, Hu-
daýa dil ýetirýänligiň üçin, ýagny ynsan
halyňa Özüňi Hudaý saýýanlygyň üçin
daşlajak bolýarys» diýdiler. [34] Isa olara
şeýle diýdi: «Mukaddes Kanunyňyzda:
„Men diýýärin: Siz hudaýlarsyňyz“ diýip
ýazylan dälmi? [35] Mukaddes Ýazgylary
üýtgedip bolmaýandygyny bileňzokmy
näme?! Hudaýyň Sözi gelen adamlar
„hudaýlar“ diýlip atlandyrylan bolsa,
[36] onda näme Meni Hudaýyň Ogly diýe-
nim üçin küpür geplän hasaplaýarsyňyz?
Meni bolsa Atam Özi üçin saýlap-seçip,
dünýä iberdi. [37] Men Atamyň işlerini et-
meýän bolsam, onda Maňa iman etmäň.
[38] Eger-de Onuň işlerini edýän bolsam,
onda Maňa ynanmasaňyz-da, edýän
işlerime ynanyň. Şonda Atanyň Men-
dedigini, Meniňem Atadadygyma anyk
göz ýetirersiňiz». [39] Şonda Ony ýene
tutmaga synanyşdylar, emma Isa olaryň
ellerinden sypyp gaçdy. [40] Isa ýene-de
Iordan derýasynyň aňry tarapyna, öňler
Ýahýanyň adamlary suwa çümdüren
ýerine gitdi we şol ýerde galdy. [41] Köp
adamlar Onuň ýanyna gelip: «Ýahýa
hiç hili gudratly alamat görkezmese-de,
onuň bu Adam hakdaky aýdanlarynyň
bary dogry eken» diýişdiler. [42] Şeýlelikde,
ol ýerde köp adamlar Isa iman etdiler.

## 11-nji bap

### *Lazaryň ölümi*

[1] Beýtaniýa obasynda Lazar atly bir
adam keselläp ýatyrdy. Onuň uýalary
Merýem bilen Marta hem şol obada
ýaşaýardylar. [2] Reb Isa hoşboý ysly ýag
guýup, Onuň aýagyny saçy bilen süpüren

**10:34** Zeb 81:6.

aýal şol Merýemdi. Hawa, kesel ýatan
Lazar Merýemiň doganydy. 3 Şeýlelikde,
uýalar: «Agam, Seniň eziz dostuň kesel
ýatyr» diýip, Isa habar ýolladylar. 4 Isa
muny eşidip: «Bu kesel onuň ölmegi üçin
däl-de, Hudaýyň şöhratlanyp, bu arkaly
Hudaýyň Oglunyň şöhrat gazanmagy
üçindir». 5 Isa Martany, onuň uýasyny
we Lazary gowy görýärdi. 6 Emma La-
zaryň kesel ýatandygyny bilse-de, Isa
öňki bolýan ýerinde ýene iki gün galdy.
7 Mundan soň Isa şägirtlerine: «Ýahudyýa
dolanalyň» diýdi. 8 Şägirtleri Oňa: «Eý,
mugallym, ýahudylaryň baştutanlarynyň
Seni daşlajak bolanlary ýaňy dälmidi?!
Sen ýene-de şol ýere gitjek bolýarsyň-
my?» diýdiler. 9 Isa olara: «Gündiz on
iki sagatdan ybarat dälmi? Kim gündiz
ýörese büdremez, sebäbi ol bu dünýäniň
nuruny görýändir. 10 Emma gije ýöreýän
adam büdrär, sebäbi onda nur ýokdur»
diýip jogap berdi. 11 Soňra Isa olara ýe-
ne-de: «Dostumyz Lazar uklap ýatyr.
Men şony oýarmak üçin gidýärin» diýdi.
12 Şägirtleri Oňa: «Agam, uklap ýatan
bolsa sagalar» diýdiler. 13 Isa onuň ölen-
digi hakda aýdýardy, ýöne olar adaty uky
hakda aýdýandyr öýtdüler. 14 Şeýlelikde,
Isa olara anygyny aýtdy: «Lazar aradan
çykdy. 15 Iman etmegiňiz üçin, Men si-
ziň hatyraňyza ol ýerde bolmandygyma
begenýärin. Indi bolsa, ýörüň, onuň
ýanyna gideliň». 16 Şonda Ekiz lakamly
Tomas diýen şägirt beýleki şägirtlere:
«Ýörüň, bizem gideliň-de, Isa bilen bile
öleliň» diýdi.

17 Isa Beýtaniýa gelende, Lazaryň jaý-
lananyna eýýäm dört gün bolan eken.
18 Beýtaniýa Iýerusalimden bary-ýogy üç
çakrym [a] daşlykda ýerleşýärdi. 19 Marta
bilen Merýeme göwünlik bermäge köp
ýahudylar Lazaryň patasyna gelipdiler.
20 Marta Isanyň gelýänini eşidip, Ony
garşylamaga çykdy. Merýem bolsa öýde
galdy. 21 Marta Isa: «Eý, Agam, Sen şu
ýerde bolan bolsadyň, doganym ölmezdi.
22 Häzir hem Hudaýdan näme dileseň,
Seniň dilegiňi bitirjegini bilýärin» diý-
di. 23 Isa oňa: «Doganyň direler» diýdi.
24 Marta bolsa: «Men ahyrky gün, ýagny
ölüleriň direliş gününde onuň direljegini
bilýärin» diýdi. 25 Isa oňa: «Direlişem,
ýaşaýyşam Mendirin, Maňa iman eden
ölse-de ýaşar. 26 Kim Maňa iman edip
ýaşaýan bolsa, ol asla ölmez. Sen şuňa
ynanýarsyňmy?» diýdi. 27 Ol Isa: «Ha-
wa, Agam. Men Seniň şu dünýä gelmeli
Hudaýyň Ogly Mesihdigiňe ynanýaryn»
diýdi. 28 Marta şeýle diýensoň, uýasy
Merýemi çagyrmaga gitdi. Ony bir
çete çekip: «Mugallym şu ýerde. Ol
seni çagyrýar» diýdi. 29 Merýem muny
eşiden badyna ýerinden turup, Isanyň
ýanyna gitdi. 30 Isa entek oba girmändi,
Ol heniz hem Martanyň garşylan ýerin-
dedi. 31 Öýde Merýemiň ýanynda bolup,
oňa göwünlik berýän ýahudylar onuň
howlukmaç çykyp gidenini gördüler.
Ol aglamak üçin mazara tarap barýan-
dyr öýdüp, olar onuň yzyndan gitdiler.
32 Merýem Isanyň duran ýerine geldi.
Ony görüp, aýaklaryna ýykyldy-da:
«Agam, Sen şu ýerde bolan bolsadyň,
doganym ölmezdi» diýdi. 33 Merýemiň
we onuň bilen bile gelen ýahudylaryň
aglaýanyny görende, Isanyň kalbyny
çuňňur gynanç gaplap, ýüregi gyýyldy.
34 Ol: «Ony nirede jaýladyňyz?» diýip so-
rady. Oňa: «Eý, Agam, gel, gör» diýdiler.
35 Isanyň gözlerinden boýur-boýur ýaş
akdy. 36 Şonda ýahudylar: «Serediň, Ol
ony nähili gowy görýän eken!» diýişdiler.

[a] **11:18** ***Üç çakrym*** – grekçe *on bäş stadios*, bu takm. 3 kilometre deňdir.

37 Käbirleri bolsa: «Körüň gözüni açan
Adam Lazary-da ölümden alyp galyp
bilmezmidi?» diýişdiler.

### *Isa Lazary direldýär*

38 Şol wagt Isanyň ýüregi gyýym-gy-
ýym bolup, mazaryň ýanyna bardy.
Mazar bir gowakdy, onuň agzyna bolsa
daş goýupdylar. 39 Isa: «Daşy aýryň» diý-
di. Merhumyň uýasy Marta Oňa: «Agam,
ol eýýäm porsandyr, ony jaýlanymyza
dört gün boldy ahyry» diýdi. 40 Isa oňa:
«Eger iman etseň, Hudaýyň şöhratyny
görersiň diýmänmidim?» diýdi. 41 Şeý-
lelikde, daşy aýyrdylar. Isa gözüni göge
dikip: «Eý, Ata, Meni eşideniň üçin Saňa
şükür edýärin. 42 Seniň Meni hemişe-de
eşidýändigiňi bilýärin. Emma bu sözleri
şu ýerde duran halk üçin, Meni Seniň
iberendigiňe iman etsinler diýip aýtdym»
diýdi. 43 Şu sözlerden soň Ol gaty ses bi-
len: «Lazar, daşary çyk!» diýip gygyrdy.
44 Elleri, aýaklary kepene dolanan, ýüzi
ýaglyk bilen saralan merhum mazardan
çykdy. Isa olara: «Onuň kepenini aýryň,
goý, gitsin» diýdi.

### *Isany öldürmek baradaky dildüwşük*
*(Matta 26:1-5; Mark 14:1,2;*
*Luka 22:1,2)*

45 Şeýlelikde, Merýemiň ýanyna gelen
ýahudylaryň köpüsi Isanyň eden işini gö-
rüp, Oňa iman etdiler. 46 Birnäçesi bolsa
baryp, Isanyň eden işlerini fariseýlere
gürrüň berdiler. 47 Onsoň ýolbaşçy ru-
hanylar bilen fariseýler ýokary mejlisi
çagyryp: «Näme etmeli? Bu Adam köp
gudratlar görkezýär. 48 Muňa ýol bersek,
onda hemmeler Oňa iman eder. Rim-
liler hem gelip, ybadathanamyzy we
halkymyzy ýok ederler» diýdiler. 49 Ola-
ryň arasynda şol ýyl baş ruhany bolan
Kaýafa-da bardy. Kaýafa olara: «Siz
hiç zady bilmeýärsiňiz. 50 Ähli halkyň
heläk bolanyndan, bir adamyň halk üçin
ölmegi size örän bähbitlidir. Siz näme
muňa düşüneňzokmy?» diýdi. 51 Ol mu-
ny öz-özünden aýtmady. Şol ýylyň baş
ruhanysy bolmak bilen ol Isanyň ýahudy
milleti üçin öljegini pygamberlik edip
aýtdy. 52 Ol diňe bir şol millet üçin däl-de,
eýsem Hudaýyň dagynyk perzentlerini
bir ýere toplap birleşdirmek üçin hem
ölmelidi. 53 Şeýlelikde, şol günden başlap,
Isany öldürmek üçin dil birikdirdiler.
54 Şondan soň Isa ýahudylaryň arasynda
aç-açan gezmedi. Ol çölüň golaýyndaky
Efraýym şäherine gidip, şägirtleri bilen
şol ýerde galdy. 55 Ýahudylaryň Pesah
baýramy ýakynlapdy. Ýurduň ähli kün-
jeklerinden gelen köp adamlar Pesahdan
öň tämizleniş dessurlaryny berjaý etmek
üçin Iýerusalime gelipdiler. 56 Olar Isany
gözleýärdiler, ybadathanada durkalar,
biri-birlerine: «Nähili pikir edýärsiňiz?
Ol baýrama gelermi ýa-da gelmez?» di-
ýişýärdiler. 57 Ýolbaşçy ruhanylar bilen
fariseýler bolsa Isany ele salmak üçin,
Onuň nirededigini kim bilýän bolsa,
habar bermeklerini buýrupdylar.

## 12-nji bap

### *Merýem Isa nard ýagyny çalýar*
*(Matta 26:1-5; Mark 14:1,2;*
*Luka 22:1,2)*

1 Pesah baýramyna alty gün galanda,
Isa ýene Beýtaniýa bardy. Isanyň direl-
den Lazary-da şol ýerdedi. 2 Ol ýerde
Isanyň hormatyna nahar berildi. Marta
hyzmat edýärdi, Lazar bolsa myhmanlar
we Isa bilen bir saçagyň başynda otyrdy.
3 Onsoň Merýem bir çüýşede gymmat-
baha sap-arassa nard ýagyny getirdi-de,
Isanyň aýaklaryna çalyp, soňra saçy
bilen süpürdi. Ýagyň ýakymly ysy öýüň

içine doldy. 4Şol wagt Onuň şägirtleri-
niň biri, Oňa haýynlyk etmegi ýüregine
düwen Simunyň ogly Ýudas Iskariýot:
5«Näme üçin bu ýag satylyp, onuň puly
garyplara paýlanmady? Munuň bahasy
bir ýyllyk iş hakyna[a] barabar ahyry»
diýdi. 6Ol muny garyplaryň gamyny
iýmek üçin däl-de, özüniň ogrudygy
üçin aýdýardy. Sebäbi ol ortak pul tor-
basyny göteren bolup, näme berilse, özi
alyp ýördi. 7Emma Isa olara: «Naçary
öz gününe goýuň! Ol Meni jaýlanjak
günüme taýýarlamak üçin şeýle etdi.
8Garyplar hemişe siziň ýanyňyzda bolar,
emma Men siziň ýanyňyzda elmyda-
ma bolmaryn» diýdi. 9Ýahudylardan
bir uly mähelle Isanyň ol ýerdedigini
eşidip, diňe bir Isany däl, eýsem, Onuň
direlden Lazaryny-da görmäge geldiler.
10Şonuň üçin ýolbaşçy ruhanylar Laza-
ry-da öldürmegiň maslahatyny etdiler.
11Çünki köp ýahudylar Lazar sebäpli
Isa iman edipdiler.

### *Isa Iýerusalime uly dabara bilen girýär*

*(Matta 21:1-11; Mark 11:1-11; Luka 19:28-40)*

12Ertesi gün baýramçylyga gelen uly
mähelle Isanyň Iýerusalime gelýäni-
ni eşitdi. 13Adamlar palma şahalaryny
alyp, Ony garşylamaga çykdylar. Olar
şeýle diýip gygyryşýardylar: «Hudaýa
öwgüler bolsun! Rebbiň adyndan Gel-
ýäne alkyş bolsun! Ysraýyl Patyşasyna
alkyş bolsun!»
14-15 Edil Mukaddes Ýazgylarda:
«Gorkma, eý, Sion gyzy! Ine, Patyşaň
taýhara münüp gelýär» diýip ýazylyşy
ýaly, Isa bir taýhar tapyp mündi. 16Şä-
girtleri şol wagt bu zatlara düşünmediler.
Emma Isa şöhratlandyrylandan soňra
bu sözleriň Ol hakynda ýazylandygy
we özleriniň muny ýazylyşy ýaly eden-
dikleri olaryň ýatlaryna düşdi.
17Isa Lazary mazardan çagyryp di-
reldende, köp mähelle bu wakany gördi.
Indi olar bu hakda hemmelere gürrüň
berýärdiler. 18Şonuň üçin Isanyň gör-
kezen bu gudraty barada eşiden köp
adamlar Ony garşylamaga çykdylar.
19Şeýlelikde, fariseýler biri-birine:
«Görýäňizmi, elimizden hiç zat gel-
meýär. Bütin dünýä Onuň yzyna eýerdi!»
diýişýärdiler.

### *Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar*

20Baýramçylykda ybadat etmäge
Iýerusalime gelenleriň arasynda bir-
näçe grekler-de bardy. 21Olar Jeliläniň
Betsaýda şäherinden bolan Filipiň ýa-
nyna gelip: «Eý, aga, biz Isany görmek
isleýäris» diýip, ondan haýyş etdiler.
22Filip hem muny Andrysa aýtdy. On-
soň Andrys bilen Filip bile gidip, Isa
aýtdylar. 23Isa olara şeýle jogap berdi:
«Ynsan Oglunyň şöhratlanmaly wagty
geldi. 24Men size dogrusyny aýdýaryn,
bugdaý dänesi ýere gaçyp ölmese, ýeke
däne bolup galar, ýöne öläýse, köp ha-
syl berer. 25Bu dünýäde janyny söýýän
ony ýitirýändir. Emma bu dünýäde kim
janyny ýigrenýän bolsa, ony baky ýa-
şaýyş üçin saklaýandyr. 26Kim Maňa
hyzmat etmek isleýän bolsa, yzyma
eýersin. Men nirede bolsam, Meniň
hyzmatkärim-de şol ýerde bolar. Maňa
hyzmat eden adamy Atam hormatlar.

[a] **12:5** ***Bir ýyllyk iş hakyna*** – grekçe *üç ýüz dinar*. Bir dinar bir günlük iş hakyna barabardyr.

**12:13** Zeb 117:25-26. **12:14-15** Zak 9:9.

[27]Häzir Meniň ýüregim gam-gussa
batýar. Men näme diýeýin? „Eý, Ata,
Meni şu pursatdan halas et“ diýeýin-
mi? Ýok, Men hut şu pursat üçin geldim
ahyryn. [28]Eý, Ata, adyňy şöhratlandyr!»
Şonda gökden: «Men adymy şöhratlan-
dyrdym we ýene-de şöhratlandyraryn»
diýen ses geldi. [29]Ol ýerde duran mä-
helle muny eşidip: «Gök gürledi» diýdi.
Käbirleri bolsa: «Onuň bilen bir pe-
rişde gepleşdi» diýişdiler. [30]Isa olara:
«Bu ses Meniň üçin däl-de, siziň üçin
geldi. [31]Indi bu dünýä höküm çyka-
rylmaly wagt geldi. Ine, bu dünýäniň
hökümdary şeýtan kowlup çykarylar.
[32]Ýerden ýokary göterilenimde, Men
ähli ynsanlary Özüme çekerin» diýip
jogap berdi. [33]Isa muny nähili ölüm
bilen öljegini bildirmek üçin aýtdy.
[34]Mähelle Oňa garşy bolup: «Töwratda
aýdylyşyna görä, Mesih ebedi galma-
lydyr. Onsoň nädip Sen: „Ynsan Ogly
ýokary göterilmelidir“ diýýärsiň? Ol
Ynsan Ogly diýýäniň kim?» diýip so-
rady. [35]Isa olara: «Nur siziň araňyzda
ýene az wagt bolar. Nur barka, nurda
geziň, şonda üstüňizi tümlük basmaz.
Çünki tümlükde gezýän özüniň nirä
barýanyny bilýän däldir. [36]Nur heniz
ýanyňyzdaka, nura iman ediň, şonda
nuruň perzentleri bolarsyňyz» diýdi.
Isa bulary aýdansoň, olaryň ýanyndan
gidip gizlendi.

### *Ýahudylaryň ynamsyzlygy*

[37]Isa ýahudylaryň gözleriniň alnynda
şunça köp gudratly alamat görkezen
hem bolsa, olar Oňa iman etmediler.
[38]Bularyň bary Işaýa pygamberiň:

«Ýa Reb, biziň habarymyza kim
ynandy?
Rebbiň güýç-gudraty kime aýan
boldy?»

– diýip aýdan şu sözüniň berjaý bolmagy
üçin şeýle boldy.
[39]Hakykatdan hem, olar ynanyp bil-
meýärdiler. Muňa görä, Işaýa olar hakda
ýene şeýle diýipdir:

[40] «Hudaý olaryň gözlerini kör etdi,
ýüreklerini gatatdy.
Goý, gözleri bilen görmesinler,
gulaklary bilen eşitmesinler,
aňlary bilen aňlamasynlar,
Maňa dönüp, şypa tapmasynlar».

[41]Işaýa Isanyň şöhratyny görüp, bu
sözleri Ol hakda aýdypdyr. [42]Muňa ga-
ramazdan, mejlisiň agzalarynyň köpüsi
Oňa iman etdi, emma fariseýler zerarly
muny açyk yglan etmediler, sebäbi olar
sinagogadan kowulmakdan gorkýardy-
lar. [43]Sebäbi olar ynsanlaryň öwgüsini
Hudaýyň öwgüsinden gowy gördüler.
[44]Isa bolsa gaty ses bilen şeýle diýdi:
«Maňa iman edýän Maňa däl-de, Meni
Iberene iman edýändir. [45]Meni görýän,
Meni Ibereni-de görýändir. [46]Maňa iman
eden her kes garaňkylykda galmasyn
diýip, Men dünýä nur bolup geldim.
[47]Sözlerimi eşidibem, olary berjaý et-
medigiň üstünden höküm çykarmaryn.
Sebäbi Men dünýäniň üstünden höküm
çykarmaga däl-de, ony halas etmäge
geldim. [48]Meni ret edip, sözlerimi kabul
etmeýäne ahyrky günde Meniň hut şu
aýdýan sözlerim höküm çykarar. [49]Sebä-
bi Men Öz-Özümden geplemedim. Meni
iberen Ata näme aýtmalydygymy, nähili
sözlemelidigimi Maňa Özi buýurdy.
[50]Onuň buýrugynyň bolsa baky ýaşaýşa
gowşurýandygyny bilýärin. Şonuň üçin
Atam Maňa näme buýran bolsa, Men
size diňe şony aýdýandyryn».

**12:38** Işa 53:1. **12:40** Işa 6:10.

## 13-nji bap

### *Isa şägirtleriniň aýagyny ýuwýar*

[1]Pesah baýramynyň öň ýanydy. Isa bu
dünýäden aýrylyp, Atasynyň ýanyna
gitmeli sagadynyň gelendigini bilýärdi.
Isa bu dünýäde Özüniňkileri hemişe
söýdi, olary ahyrky güne çenli söýdi.
[2]Agşamlyk nahar wagtydy. Iblis eýýäm
Simunyň ogly Ýudas Iskariýodyň kalby-
na Isa haýynlyk etmek niýetini salypdy.
[3]Isa Atasynyň ähli zady Öz ygtyýaryna
berendigini, Özüniň Hudaýdan gelip, Hu-
daýa gitjekdigini bilýärdi. [4]Şonuň üçin Ol
nahar başyndan turup, donuny çykardy-
da, bir ýaglyk bilen bilini guşady. [5]Onsoň
bir legene suw guýdy-da, şägirtleriniň
aýaklaryny ýuwup, guşanan ýaglygy
bilen süpürmäge durdy. [6]Isa Simun Pet-
rusyň ýanyna gelende, Petrus Oňa: «Eý,
Agam, Sen meniň aýagymy ýuwjak bol-
ýarmyň?» diýdi. [7]Isa oňa: «Meniň edýän
işime entek akylyň çatmaýar, muňa soň
düşünersiň» diýdi. [8]Petrus Oňa: «Ýok,
men Saňa aýagymy asla ýuwdurmaryn!»
diýdi. Emma Isa oňa: «Eger ýuwmasam,
onda Meniň bilen şärikligiň bolmaz»
diýip jogap berdi. [9]Simun Petrus Oňa:
«Agam, onda diňe aýagymy däl, elimi-de,
başymy-da ýuw» diýdi. [10]Isa oňa: «Ýuw-
nan adamyň diňe aýagyny ýuwmakdan
başga hajaty ýokdur, tutuş bedeni tämiz-
dir. Siz hem tämizsiňiz, ýöne hemmäňiz
däl» diýdi. [11]Isa Özüne kimiň haýyn-
lyk etjekdigini bilýärdi. Şonuň üçin-de
«Hemmäňiz tämiz däl» diýipdi.
[12]Isa olaryň aýaklaryny ýuwup bola-
nyndan soň, donuny geýdi-de, ýene saçak
başyna geçip oturdy we olara şeýle diýdi:
«Size näme edenime düşünýärsiňizmi?
[13]Siz Maňa „Mugallym“, „Aga“ diýip,
dogry aýdýarsyňyz, sebäbi Men Şolduryn.
[14]Eger Men siziň Agaňyz we Mugallymy-
ňyz bolubam, aýagyňyzy ýuwan bolsam,
onda siz-de biri-biriňiziň aýagyňyzy
ýuwmalysyňyz. [15]Meniň size edenimi,
siz hem biri-biriňize edersiňiz diýip, Men
size görelde görkezdim. [16]Men size dog-
rusyny aýdýaryn, gul hojaýyndan beýik
däldir, habarçy-da özüni iberenden beýik
däldir. [17]Eger bu zatlara düşünip, olary
berjaý etseňiz, bagtly bolarsyňyz.

### *Ýudasyň Isa haýynlyk etjekdigi baradaky gürrüň*

[18]Men siziň hemmäňiz hakda aýtma-
ýaryn. Men Öz saýlanlarymy bilýärin.
Emma, goý, bu Mukaddes Ýazgylarda-
ky: „Hatda duzumy iýen maňa haýynlyk
etdi“ diýen sözler berjaý bolsun. [19]Men
size näme boljagyny öňünden aýdýaryn.
Bular amala aşan wagty siz Meniň kimdi-
gime göz ýetirersiňiz, Maňa ynanarsyňyz.
[20]Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň iberen
adamymy kabul eden Meni kabul edýändir,
Meni kabul eden bolsa, Meni Ibereni ka-
bul edýändir». [21]Bu zatlary aýdandan soň,
Isanyň ýüregini gussa gaplady. Ol: «Haky-
katdan hem, siziň biriňiz Maňa haýynlyk
edersiňiz» diýip, açyk aýtdy. [22]Şägirtleri
Onuň muny kime kakdyryp aýdýanyny
bilmän, aljyraňňylyk bilen biri-birlerine
seredişdiler. [23]Saçak başynda şägirtlerden
biri Isa ýaplanyp otyrdy. Ol Isanyň söý-
güli şägirdidi. [24]Simun Petrus Onuň kime
kakdyryp aýdýanyny soramagy ýaňky
şägirde ümledi. [25]Ol hem Isa ýaplanyp
oturşyna Ondan: «Agam, ol kim?» diýip
sorady. [26]Isa: «Şu çöregi okara batyryp,
kime bersem, ol şoldur» diýip jogap berdi.
Onsoň Ol çöregi okara batyrdy-da, ony

**13:18** Zeb 40:10.

Simunyň ogly Ýudas Iskariýoda berdi.
27 Çöregi alan badyna, Ýudanyň içine
şeýtan girdi. Isa oňa: «Näme etjek bol-
saň, tizräk et» diýdi. 28 Muny Isanyň oňa
näme üçin aýdanyna oturanlaryň hiç biri
düşünmedi. 29 Pul torba Ýudasda bolansoň,
käbirleri Isa oňa: «Baýram üçin bize gerek
zatlary satyn al» ýa-da «Garyplara biraz
pul paýla» diýýändir öýtdüler. 30 Ýudas
bolsa çöregi alan badyna daşary çykyp
gitdi. Garaňky düşüpdi.

### *Isa Petrusyň inkär etjekdigini aýdýar*
*(Matta 26:31-35; Mark 14:27-31; Luka 22:31-34)*

31 Ýudas çykyp gidensoň, Isa şeýle diý-
di: «Indi Ynsan Ogly şöhratlandyryldy,
Hudaý-da Ol arkaly şöhratlandyryldy.
32 Eger Hudaý Ynsan Ogly arkaly şöh-
ratlanan bolsa, Ony hem Öz şöhratyna
şärik eder. Hawa, Ony şol pursadyň
özünde şöhratlandyrar. 33 Balalarym!
Men indi siziň bilen uzak bolmaryn.
Siz Meni agtararsyňyz, ýöne ýahudylara
aýdanymy size-de aýdýaryn: „Meniň
gitjek ýerime siz baryp bilmersiňiz“.
34 Size bir täze tabşyryk berýärin: bi-
ri-biriňizi söýüň. Meniň sizi söýşüm
ýaly, siz-de biri-biriňizi söýüň. 35 Eger
biri-biriňizi söýseňiz, hemmeler siziň
Meniň şägirdimdigiňizi bilerler».

36 Simun Petrus Isadan: «Agam, Sen
nirä barýarsyň?» diýip sorady. Isa oňa:
«Sen Meniň bilen häzir gidip bilmersiň,
ýöne soňra baryp bilersiň» diýip jogap
berdi. 37 Petrus Oňa: «Agam, näme üçin
men Seniň bilen häzir gidip bilmerin?
Men Seniň üçin janymy bermäge-de
taýýar» diýdi. 38 Isa oňa: «Sen Meniň
üçin janyňy bermäge taýýarmyň?! Men
saňa dogrusyny aýdýaryn, horaz gygyr-
mazdan öň, sen Meni üç gezek inkär
edersiň» diýip jogap berdi.

## 14-nji bap

### *Isa – Hudaýa eltýän ýol*

1 Isa ýene söze başlady: «Ýüregiňiz gus-
sa batmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa
iman ediň. 2 Atamyň öýünde ýaşamaga
ýer köpdür. Şeýle bolmasa, Men size:
„Ýer taýynlamaga barýaryn“ diýermidim?
3 Gidip, siziň üçin ýer taýynlanymdan
soňra, ýene gelip, sizi Öz ýanyma alyp
giderin. Meniň bolýan ýerimde siz hem
bolarsyňyz. 4 Siz Meniň barýan ýerime
eltýän ýoly bilýänsiňiz». 5 Tomas Oňa:
«Agam, biz Seniň nirä barýanyňy bil-
mesek, ýoly nireden bileli?» diýdi. 6 Isa
oňa: «Ýol, hakykat we ýaşaýyş Men-
dirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna
baryp bilmez. 7 Meni çyndan tanasaňyz,
Atamy-da tanarsyňyz. Indi Ony tana-
ýarsyňyz, Ony gördüňiz» diýdi. 8 Filip
Oňa: «Agam, Atany bize görkez, bize
şol ýeterlik» diýdi. 9 Isa oňa şeýle diýdi:
«Eý, Filip, Men siziň bilen şeýle köp wagt
bolsam-da, Meni tanamadyňmy? Meni
gören Atany-da görendir. Seniň „Atany
bize görkez“ diýmäň näme? 10 Meniň
Atadadygyma, Atanyň hem Mendedigi-
ne sen iman etmeýärsiňmi? Size aýdýan
sözlerimi Men Öz-Özümden aýtmaýa-
ryn. Tersine, Mende ýaşaýan Atam Men
arkaly Öz işlerini edýär. 11 Meniň Atada-
dygyma, Atanyň-da Mendedigine iman
ediň; hiç bolmanda, görkezen gudratla-
rym üçin iman ediň. 12 Size dogrusyny
aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň bi-
tiren işlerimi-de bitirer, hatda bulardan
hem has beýik işleri bitirer. Sebäbi Men
Atanyň ýanyna barýaryn. 13 Atam Ogly
arkaly şöhratlanar ýaly, Meniň adym
bilen näme dileseňiz, dilegiňizi bitire-
rin. 14 Hawa, Meniň adym bilen Menden
näme dileseňiz, dilegiňizi berjaý ederin.

### *Isa Mukaddes Ruhy wada berýär*

15 Meni söýýän bolsaňyz, buýruklary-
my berjaý ediň. 16 Men Atama ýalbararyn,
Ol size hemişe siziň bilen boljak başga
bir Hemaýatçy, 17 ýagny Hakykat Ruhu-
ny berer. Dünýä Ony kabul edip bilmez,
sebäbi dünýä Ony ne görýär, ne-de tana-
ýar. Ýöne siz Ony tanaýarsyňyz, sebäbi
Ol siziň araňyzda ýaşap, içiňizde bolar.
18 Men sizi ýetim goýmaryn, ýene ýany-
ňyza gaýdyp gelerin. 19 Az salymdan soň
dünýä Meni görmez, emma siz görersi-
ňiz. Meniň ýaşaýandygym üçin, siz-de
ýaşarsyňyz. 20 Şol gün Meniň Atadady-
gymy, siziň Mendedigiňizi, Meniň-de
sizdedigime göz ýetirersiňiz. 21 Meniň
buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni
söýýändir. Meni söýýäni Atam-da söýer.
Men hem ony söýerin we Özümi oňa
aýan ederin». 22 Şonda Iskariýot däl-de,
beýleki Ýudas Isadan: «Eý, Agam, nä-
me üçin Sen Özüňi dünýä däl-de, bize
aýan etmek isleýärsiň?» diýip sorady.
23 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Kim Meni
söýýän bolsa, sözümi berjaý eder. Atam
hem ony söýer. Men Atam bilen ol ada-
myň ýanyna baryp, onuň bilen ýaşarys.
24 Meni söýmeýän Meniň sözümi berjaý
edýän däldir. Siziň bu eşidýän sözleriňiz
Meniňki däl-de, Meni iberen Atanyň-
kydyr. 25 Men bu zatlary size Özüm
ýanyňyzdakam aýdýaryn. 26 Atanyň
Meniň adymdan iberjek Hemaýatçysy,
ýagny Mukaddes Ruh size ähli zady
öwreder. Meniň size aýdan ähli sözleri-
mi ýadyňyza salar. 27 Men size rahatlyk
goýup barýaryn, Öz rahatlygymy size
berýärin. Men muny dünýäniň berşi ýaly
bermeýärin. Ýüregiňiz gussa batmasyn,
gorkmaň. 28 Size „Men gidip barýaryn,
emma ýanyňyza gaýdyp gelerin“ diýe-
nimi eşitdiňiz ahyryn. Eger siz Meni
çyndan söýýän bolsaňyz, Meniň Atanyň
ýanyna gidýändigime şatlanardyňyz.
Çünki Ata Menden beýikdir. 29 Men size
bu zatlar amala aşmazdan öň aýtdym,
amala aşan wagty ynanarsyňyz. 30 Maňa
indi siziň bilen gepleşere köp wagt gal-
mady, sebäbi bu dünýäniň hökümdary
şeýtan gelýär. Onuň Men babatda hiç
hili ygtyýary ýokdur. 31 Emma dünýä
Meniň Atany söýýändigimi, Atanyň
Özüme näme buýran bolsa, şony berjaý
edýändigimi bilmelidir. Hany, turuň, bu
ýerden gideliň».

## 15-nji bap

### *Üzüm agajy we şahalar*

1 Men hakyky üzüm agajydyryn we
Atam bagbandyr. 2 Ol Meniň miwe ber-
meýän her bir şahamy kesip taşlaýar,
miwe berýänini bolsa tämiz bolar ýa-
ly we köp miwe berer ýaly timarlaýar.
3 Meniň size aýdan sözüm arkaly siz bi-
reýýäm tämizsiňiz. 4 Mende ýaşaň, Men
hem sizde ýaşaýyn. Üzüm agajyndan
aýrylan şaha öz-özünden miwe berip bil-
meýşi ýaly, Menden aýrylsaňyz, siz hem
miwe berip bilmersiňiz. 5 Men üzüm aga-
jydyryn, siz şahalarsyňyz. Kim Mende,
Menem onda ýaşasam, ol bol miwe berer.
Siz Menden üzňe hiç zat edip bilmersiňiz.
6 Kim Mende ýaşamasa, kesilen şaha
kimin taşlanyp, gurar. Guran şahalary
bolsa ýygnap, oda ýakarlar. 7 Mende
mesgen tutup, sözlerimi ýüregiňizde
saklasaňyz, näme dileseňiz, size berler.
8 Siz köp miwe berip, Meniň şägirtlerim-
digiňizi görkezersiňiz. Bu arkaly Atam
şöhratlanar. 9 Atamyň Meni söýşi ýaly,
Men-de sizi söýdüm. Meniň söýgimde
galyň. 10 Men Atamyň buýruklaryny
berjaý edip, Onuň söýgüsine wepaly
bolşum ýaly, siz hem buýruklarymy

berjaý etseňiz, Meniň söýgime wepa-
ly bolarsyňyz. 11 Men bu zatlary size
şatlygyma şärik bolup, şatlygyňyzyň
dolup-daşmagy üçin aýtdym. 12 Meniň
buýrugym şudur: Men sizi nähili söýen
bolsam, siz hem biri-biriňizi şonuň ýaly
söýüň. 13 Kim janyny dostlary üçin pida
etse, mundan beýik söýgi ýokdur. 14 Eger
buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň
dostlarym bolarsyňyz. 15 Mundan beýläk
Men size gul diýmerin, sebäbi gul ho-
jaýynynyň näme edýänini bilýän däldir.
Men size dost diýýärin, sebäbi Atamdan
eşiden ähli zatlarymy size aýtdym. 16 Siz
Meni däl-de, Men sizi saýladym. Men
siziň gidip, hiç solmaýan miwe bermegi-
ňiz üçin saýlap-seçdim. Şoňa görä Meniň
adym bilen Atadan näme dileseňiz, Ol
size berer. 17 Meniň size buýrugym şudur:
biri-biriňizi söýüň.

### *Dünýä şägirtleri ýigrenýär*

18 Dünýä sizi ýigrenýän bolsa, onuň
sizden öň Meni ýigrenendigini biliň.
19 Dünýäden bolan bolsadyňyz, dünýä
sizi özüniňkiler kimin söýerdi. Emma
siz bu dünýä degişli dälsiňiz. Men sizi
bu dünýäden saýlap aldym. Ine, şonuň
üçin hem, dünýä sizi ýigrenýär. 20 Me-
niň size: «Hyzmatkär hojaýyndan beýik
däldir» diýen sözümi ýadyňyza salyň.
Olar Meni yzarlasalar, onda sizi-de
yzarlarlar. Meniň sözümi berjaý etseler,
siziňkini-de berjaý ederler. 21 Olar size
bu zatlaryň ählisini Meniň adym üçin
ederler, sebäbi olar Meni Ibereni tana-
maýarlar. 22 Men gelip, olara aýtmadyk
bolsadym, olar günäkär bolmazdylar.
Indi bolsa bilmändiklerini bahanalap
bilmezler. 23 Meni ýigrenýän Meniň Ata-
my-da ýigrenýändir. 24 Eger Men olaryň
arasynda başga hiç kimiň başarmadyk
gudratlaryny görkezmedik bolsam, gü-
näde aýyply bolmazdylar. Indi bolsa
eden gudratlarymy görseler-de, Meni
hem, Atamy hem ýigrendiler. 25 Bu bolsa
Mukaddes Ýazgylarda: «Meni nähak
ýere ýigrendiler» diýip ýazylan sözleriň
berjaý bolmagy üçindir. 26 Meniň size
Atamdan iberjek Hemaýatçym, ýagny
Atamdan çykan Hakykat Ruhy gelen-
de, Men hakda şaýatlyk eder. 27 Siz hem
şaýatlyk edersiňiz, sebäbi başdan-aýak
Meniň bilen bile bolduňyz.

## 16-njy bap

1 Men size bu zatlary imandan dänmez-
ligiňiz üçin aýtdym. 2 Sizi sinagogalardan
kowarlar. Şeýle bir döwür geler, sizi öl-
dürmek bilen her bir kişi Hudaýa hyzmat
edýändirin öýder. 3 Olar bu işleri Atam
bilen Meni tanamaýandyklary üçin eder-
ler. 4 Bulary Men size häzirden aýdyp
goýýaryn. Wagty gelende, bulary size
aýdandygymy ýadyňyza salarsyňyz.

### *Mukaddes Ruhuň hyzmaty*

Size bulary ilkibaşda gürrüň berme-
dim, sebäbi Özüm siziň bilen biledim.
5 Indi bolsa Men Özümi Ibereniň ýany-
na gidýärin. Siziň hiç biriňiz Menden:
«Nirä gidýärsiň?» diýip soramaýarsy-
ňyz. 6 Muňa derek bu zatlary aýdanym
üçin siziň ýüregiňiz gaýgy-gama batdy.
7 Emma Men size hakykaty sözleýärin:
Meniň gitmegim siziň üçin bähbitdir.
Men gitmesem, Hemaýatçy size gelmez,
gitsem welin, Ony size ibererin. 8 Hema-
ýatçy gelen wagty dünýäniň günä, adalat
we hököm babatda nähakdygyny subut
eder. 9 Günä baradaky hakykat şundan
ybarat: adamlar Maňa ynanmaýarlar.

**15:25** Zeb 34:19; 68:5.

[10] Adalat babatda bolsa, Men Atamyň
ýanyna gidýärin we mundan beýläk siz
Meni görmersiňiz. [11] Höküm babatda
aýtsam, bu dünýäniň hökümdary şeý-
tan höküm edilendir. [12] Size aýtjak ýene
köp zatlarym bar, emma mundan artygy
aňyňyza sygmaz. [13] Emma Hakykat Ru-
hy gelen wagty sizi tutuş hakykata alyp
gider. Ol Öz-Özünden geplemez, näme
eşitse, şony geplär we geljek zatlary size
aýan eder. [14] Ol Meni şöhratlandyrar, se-
bäbi Menden eşiden zatlaryny size aýan
eder. [15] Atamyň ähli zatlary Meniňkidir.
Şonuň üçin Menden eşiden zatlaryny
size aýan eder diýdim. [16] «Az wagtdan
soň siz Meni görmersiňiz, emma köp
wagt geçmänkä, ýene Meni görersiňiz».

### *Gaýgyňyz şatlyga öwrüler*

[17] Şonda Isanyň käbir şägirtleri biri-bi-
rine: «Onuň: „Az wagtdan soň Meni
görmersiňiz, emma köp wagt geçmänkä,
ýene Meni görersiňiz“, şeýle hem: „Men
Atamyň ýanyna gidýärin“ diýen sözleri
näme aňladýarka?» diýişdiler. [18] Olar
sözüni dowam edip: «Az wagtdan soň
Meni görmersiňiz diýdigi nämekä? Onuň
näme diýmekçi bolýanyna biz-ä düşün-
meýäris» diýdiler. [19] Isa Özüne sorag
bermek isleýändiklerini bilip, şeýle diý-
di: «Az wagtdan soň Meni görmersiňiz,
emma köp wagt geçmänkä, ýene Meni
görersiňiz diýýänim üçin biri-biriňize
sorag berýärsiňizmi? [20] Size dogrusyny
aýdýaryn, siz aglap ýas tutarsyňyz, dün-
ýä bolsa şatlanar. Siz gaýga batarsyňyz,
ýöne gaýgyňyz şatlyga öwrüler. [21] Aýal
dogurjak wagty agyry çekýändir, sebäbi
aýy-güni dolandyr. Emma çaga doglan-
dan soň, ol çaganyň dünýä inenliginiň
şatlygy bilen gaýgy-gussany unudar.
[22] Siz hem şeýlesiňiz, häzir gam-gus-
sa çekýärsiňiz, emma Men sizi ýene
görerin, şonda göwnüňiz galkynar, hiç
kim sizden şatlygyňyzy alyp bilmez.
[23] Şol gün Menden hiç zat soramarsyňyz.
Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň adym
bilen Atadan näme dileseňiz, Ol size be-
rer. [24] Şu wagta çenli siz Meniň adymdan
hiç zat dilemediňiz. Diläň, alarsyňyz,
şatlygyňyz dolup-daşar. [25] Men bu zatlary
size tymsallar arkaly aýtdym, ýöne wagt
geler, Men tymsallar bilen geplemän,
Atam barada aç-açan gürrüň bererin.
[26] Şol gün Atamdan Meniň adym bi-
len özüňiz dilärsiňiz. Meniň siziň üçin
Atamdan dilemegimiň hajaty bolmaz.
[27] Çünki Atamyň Özi sizi söýýär, sebäbi
siz Meni söýüp, Meniň Hudaýdan ge-
lendigime ynandyňyz. [28] Men Atamyň
ýanyndan gaýdyp, dünýä geldim. Indi
bolsa dünýäni taşlap, Atamyň ýanyna
barýaryn». [29] Isanyň şägirtleri Oňa: «Ine,
indi Sen hiç bir tymsalsyz, açyk sözle-
ýärsiň. [30] Seniň ähli zatlary bilýändigiňe
biz indi düşündik. Saňa sorag bermegiň
geregi ýok. Indi biz Seniň Hudaýdan
gelendigiňe ynanýarys» diýdiler. [31] Isa
olara: «Indi çyndan ynanýarsyňyzmy?
[32] Ine, wagt geler, eýýäm geldi hem, äh-
liňiz öýli-öýüňize dargaşyp gidersiňiz.
Meni ýeke taşlap gidersiňiz. Emma
Men ýeke däldirin, sebäbi Atam Me-
niň bilendir. [33] Bu zatlary size Mende
rahatlygyňyz bolsun diýip aýtdym. Bu
dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar, ýöne
mert boluň. Men dünýäni ýeňdim!» diýdi.

## 17-nji bap

### *Isa doga-dileg edýär*

[1] Bu zatlary aýdansoň, Isa gözlerini gö-
ge dikip, şeýle diýdi: «Eý, Atam, pursat
geldi. Ogluňy şöhratlandyr, Ogluň hem
Seni şöhratlandyrsyn. [2] Sen Ogla ähli
ynsanlaryň üstünden ygtyýar berdiň.

Goý, Ogul hem Seniň Oňa tabşyran
ähli ynsanlaryňa baky ýaşaýyş bersin.
3Baky ýaşaýyş bolsa, Seni, ýagny ýe-
ke-täk hak Hudaýy we Seniň iberen Isa
Mesihiňi tanamakdyr. 4Özüme tabşyran
işiňi berjaý etmek bilen Men Seni ýer
ýüzünde şöhratlandyrdym. 5Eý, Atam,
dünýä ýaradylmazdan öňem Meniň Se-
niň huzuryňda şöhratym bardy. Indi şol
şöhrat bilen Meni ýene-de Öz huzuryňda
şöhratlandyr.

6Dünýäden Özüme beren adamlaryňa
Seniň adyňy aýan etdim. Olar Seniň-
kidir we Sen olary Maňa berdiň, olar
Seniň sözüňi berjaý etdiler. 7Indi olar
Maňa beren ähli zadyňyň Sendendigini
bilýärler. 8Çünki Maňa aýdan sözleriňi
Men olara ýetirdim. Olar sözleriňi kabul
edip, Meniň, hakykatdan-da, Senden
gelendigimi bildiler. Meni Seniň ibe-
rendigiňe iman etdiler. 9Olar üçin Saňa
ýalbarýaryn. Dünýä üçin däl-de, Maňa
beren adamlaryň üçin ýalbarýaryn, çün-
ki olar Seniňkidir. 10Meniň ähli zadym
Seniňkidir, Seniňki-de Meniňkidir, Men
olar arkaly şöhratlandym. 11Men bu dün-
ýäde mundan artyk galmaryn, emma
olar entek dünýädedirler. Men Seniň
ýanyňa dolanyp barýaryn. Eý, Mukad-
des Atam, Maňa beren adamlaryňy Öz
gudratly güýjüň bilen gora. Maňa-da
şol güýji Sen berdiň. Şonda olar hem
Biziň ýaly bir bolsunlar. 12Men olaryň
ýanyndakam, Maňa beren gudratyň
bilen olary gorap sakladym. Mukad-
des Ýazgylar berjaý bolsun diýip, heläk
edilmeli adamdan başga olaryň hiç biri
ýitmedi. 13Indi Men Seniň ýanyňa bar-
ýaryn. Olar Meniň şatlygymdan dolsun
diýip, bulary olara heniz bu dünýädekäm
aýdýaryn. 14Men olara Seniň sözleriňi
ýetirdim, dünýä bolsa olary ýigrendi.
Çünki Meniň dünýäden bolmaýşym
ýaly, olar-da dünýäden däldirler. 15Olary
dünýäden almagyňy däl-de, şeýtan-
dan goramagyňy dileýärin. 16Meniň
bu dünýäden bolmaýşym ýaly, olar-da
bu dünýäden däldirler. 17Seniň sözüň
hakykatdyr. Hakykatyň arkaly olary
mukaddes et. 18Seniň Meni dünýä iberi-
şiň ýaly, Men hem olary dünýä iberdim.
19Olar hem Seniň hakykatyň arkaly mu-
kaddes bolary ýaly, Men Özümi Saňa
bagyş etdim. 20Men diňe olar üçin däl,
eýsem olaryň wagzy bilen Maňa iman
etjekler üçin-de dileg edýärin. 21Olaryň
hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende,
Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar hem
Bizde bolsunlar. Şeýlelikde, Meni Seniň
iberendigiňe dünýä iman etsin. 22Maňa
beren şöhratyňy olara berdim. Biziň bir
bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun. 23Men
olardadyryn, Sen bolsa Mendesiň. Meni
Seniň iberendigiňi, Meni söýşüň kimin
olary-da söýýändigiňi dünýä biler ýaly,
olar bütewi birlikde bolsunlar. 24Eý, Ata,
Seniň Maňa beren ynsanlaryň-da Meniň
bilen bir ýerde bolmaklaryny isleýärin.
Şeýle hem, goý, olar Meniň şöhraty-
my we Seniň Maňa beren şöhratyňy
görsünler. Çünki Sen Meni dünýä ýara-
dylmazdan öň söýýärdiň. 25Eý, adalatly
Ata, dünýä Seni tanamaýar, emma Men
Seni tanaýaryn. Bu adamlar hem Meni
Seniň iberendigiňi bilýärler. 26Maňa bo-
lan söýgiň olarda-da bolsun, Men hem
olarda bolaýyn diýip, Seniň adyňy olara
tanatdym we tanatmagy dowam ederin».

## 18-nji bap

***Isa tutulýar***
*(Matta 26:47-56; Mark 14:43-50;*
*Luka 22:47-53)*

1Bu zatlary aýdyp bolansoň, Isa şä-
girtleri bilen Kidron deresinden geçip, ol

ýerdäki zeýtun bagyna girdi. 2 Şägirtleri
bilen Isa şol ýerde ýygy-ýygydan duşuşyp
durýardy. Şoňa görä, Oňa haýynlyk eden
Ýudas hem ol ýeri bilýärdi. 3 Ol Rim esger-
leriniň bir bölümi bilen birlikde ýolbaşçy
ruhanylaryň we fariseýleriň iberen gara-
wullaryny alyp geldi. Olaryň elleri çyraly,
panusly we ok-ýaraglydy. 4 Isa Öz başyna
düşjek ähli zady bilýärdi. Şonuň üçinem
öňe çykyp, olardan: «Kimi gözleýärsi-
ňiz?» diýip sorady. 5 Olar Oňa: «Nasyraly
Isany» diýip jogap berdiler. Isa olara: «Şol
Mendirin» diýdi. Oňa haýynlyk eden Ýu-
das-da olar bilen durdy. 6 Isa olara: «Şol
Mendirin» diýende, olar yza çekilip, ýere
ýykyldylar. 7 Isa olardan ýene: «Kimi göz-
leýärsiňiz?» diýip sorady. Olar: «Nasyraly
Isany» diýdiler. 8 Isa olara: «Men size „Şol
Mendirin“ diýdim ahyryn. Meni gözle-
ýän bolsaňyz, bulary goýberiň, gitsinler»
diýdi. 9 Isa muny «Maňa berenleriňden
hiç birini ýitirmedim» diýen sözleriniň
berjaý bolmagy üçin aýtdy. 10 Şol wagt
Simun Petrus gylyjyny gynyndan çy-
kardy-da, baş ruhanynyň hyzmatkärini
urup, sag gulagyny kesdi. Ol hyzmatkäriň
ady Malhusdy. 11 Isa Petrusa: «Gylyjyňy
gynyna sal. Atamyň Maňa beren hasrat
käsesinden içmäýinmi?» diýdi. 12 Onsoň
esgerler, olaryň harby serkerdesi we ýahu-
dy garawullary Isany tutup, elini-aýagyny
daňdylar. 13 Ony ilki Hananyň ýanyna alyp
bardylar. Hanan şol ýyl baş ruhany saý-
lanan Kaýafanyň gaýynatasydy. 14 Halk
üçin bir adamyň ölmegi bähbitlidir diýip,
ýahudylara maslahat beren hem Kaýafady.

### *Petrus Isany inkär edýär*

15 Simun Petrus bilen ýene bir şägirt
Isanyň yzyna düşüp gitdiler. Ýaňky
şägirt baş ruhany bilen öňden tanyş
bolansoň, ol Isa bilen bile baş ruha-
nynyň howlusyna girdi. 16 Ýöne Petrus
daşarda, gapynyň agzynda durdy. Onsoň
baş ruhany bilen tanyş şägirt daşary
çykdy-da, gapyny saklaýan aýala bir
zatlar aýdyp, Petrusy içeri saldy. 17 Ga-
pyny saklaýan aýal Petrusa: «Senem
bu Adamyň şägirtlerinden-ä dälsiň?»
diýip sorady. Ol: «Ýok» diýip jogap
berdi. 18 Howanyň sowuk bolany üçin
hyzmatkärler we garawullar ot ýakyp,
çoýunyp durdular. Petrus hem olaryň
ýanynda ýylnyp durdy.

### *Baş ruhany Isany sorag edýär*

*(Matta 26:59-66; Mark 14:55-64;
Luka 22:66-71)*

19 Baş ruhany Isadan Onuň şägirtleri
we taglymaty barada soraýardy. 20 Isa
oňa jogap berip: «Men dünýä ähli za-
dy aç-açan aýtdym. Ähli ýahudylaryň
ýygnanýan sinagogalarynda we ybadat-
hanada hemişe öwretdim, gizlinlikde
hiç zat aýtmadym. 21 Näme üçin Menden
soraýarsyň? Näme aýdanymy eşidenler-
den sora. Olar Meniň näme diýenimi
bilýändirler» diýdi. 22 Bu zatlary aýdyp
bolansoň, şol ýerde duran garawullaryň
biri Isanyň dulugyna bir şapbat çalyp:
«Baş ruhana şeýle jogap berýärsiňmi?»
diýdi. 23 Isa oňa: «Men nädogry aýdan
bolsam, munuň nädogrudygyny subut et.
Eger dogry aýdan bolsam, onda näme
üçin Meni urýarsyň?» diýdi. 24 Onsoň
Hanan Isanyň elini daňdyryp, Ony baş
ruhany Kaýafanyň ýanyna iberdi.

### *Petrus Isany ýene inkär edýär*

*(Matta 26:71-75; Mark 14:69-72;
Luka 22:58-62)*

25 Simun Petrus ol ýerde oda çoýunyp
durdy. Ondan: «Senem Onuň şägirtle-
rinden-ä dälsiň?» diýip soradylar. Emma
ol: «Ýok» diýip inkär etdi. 26 Ol ýerde
baş ruhanynyň hyzmatkärlerinden biri

Petrusyň gulagyny kesen adamyň garyndaşydy. Ol hyzmatkär: «Men seni bagda Onuň bilen bile görmedimmi näme?» diýdi. 27 Petrus ýene inkär etdi, edil şol wagt horaz gygyrdy.

***Isa Pilatyň öňünde***

*(Matta 27:1,2,11-31; Mark 15:1-20; Luka 23:1-5,13-25)*

28 Onsoň ýahudylar Isany Kaýafanyň ýanyndan Rim häkiminiň jaýyna alyp bardylar. Şol wagt daň atypdy. Pesah naharyndan iýip biler ýaly we dini däp-dessurlary bozmazlyk üçin ýahudylar häkimiň jaýyna girmediler. 29 Şeýlelikde, Pilatyň özi olaryň ýanyna gelip: «Bu Adamy nämede aýyplaýarsyňyz?» diýip sorady. 30 Olar: «Bu Adam jenaýatçy bolmadyk bolsa, Ony tutup, seniň ýanyňa getirmezdik» diýip jogap berdiler. 31 Pilat olara: «Beýle bolsa, Ony äkidiň-de, öz kanunyňyz boýunça höküm çykaryberiň» diýdi. Ýahudylar Pilata: «Biziň kimdir birini ölüme höküm etmäge hakymyz ýok» diýdiler. 32 Bu Isanyň Özüniň nähili ölüm bilen öljekdigi barada öňden aýdan sözleriniň berjaý bolmagy üçindi. 33 Onsoň Pilat ýene öz jaýyna girdi-de, Isany çagyryp, Ondan: «Sen ýahudylaryň Patyşasymy?» diýip sorady. 34 Isa ondan: «Muny özüňden aýdýarsyňmy ýa-da Men hakda saňa başgalar aýtdymy?» diýip sorady. 35 Pilat Isa: «Eýsem men ýahudymy näme? Seni maňa Öz halkyň bilen ýolbaşçy ruhanylar tutup getirdiler. Sen näme iş etdiň?» diýdi. 36 Isa oňa: «Meniň Patyşalygym bu dünýäden däl. Eger Meniň Patyşalygym bu dünýäden bolsady, onda hyzmatkärlerim Meni ýahudylaryň eline berdirmejek bolup göreşerdiler. Emma Meniň Patyşalygym başga ýerdendir» diýdi. 37 Pilat Oňa: «Diýmek, Sen Patyşada?» diýdi. Isa oňa: «Patyşadygymy özüň aýdyp dursuň. Men hakykata şaýatlyk etmek üçin doguldym, şonuň üçin hem dünýä geldim. Hakykatyň tarapdary bolan her bir adam Maňa gulak asar» diýip jogap berdi. 38 Pilat Ondan: «Hakykat näme?» diýip sorady.

Muny diýenden soň, ol ýene ýahudylaryň ýanyna çykyp, olara: «Men Ondan hiç bir ýazyk tapmadym. 39 Emma siziň bir adatyňyz bar, şol adat boýunça her ýyl Pesah baýramynda men bir adamy tussaglykdan boşadýardym. Indi siziň üçin ýahudylaryň Patyşasyny boşatmagymy isleýärsiňizmi?» diýdi. 40 Şonda olar: «Ony däl, bize Barabbasy boşat!» diýip gygyryşdylar.

Barabbas bolsa bir gozgalaňçydy.

## 19-njy bap

***Isa ölüme höküm edilýär***

1 Soňra Pilat Isany tutup gamçylatdy. 2 Esgerler tikenden täç örüp, Onuň başyna geýdirdiler, egnine gyrmyzy don ýapdylar. 3 Ýanyna baryp: «Ýaşasyn ýahudylaryň Patyşasy!» diýşip, Onuň dulugyna şarpyk çaldylar. 4 Pilat ýene daşary çykyp, ýahudylara: «Ine, Ony siziň öňüňize getirýärin. Ondan hiç bir aýyp tapmandygymy bilip goýuň» diýdi. 5 Şol wagt başy tikenden täçli, egni gyrmyzy donly Isa daşary çykdy. Pilat olara: «Ine, ol Adam!» diýdi. 6 Ýolbaşçy ruhanylar bilen baştutanlar Isany görüp: «Ony haça çüýle, haça çüýle!» diýip gygyryşdylar. Pilat olara: «Ony äkidip, özüňiz haça çüýläň. Men-ä Ondan hiç bir ýazyk tapmadym» diýdi. 7 Ýahudylaryň baştutanlary: «Biziň bir kanunymyz bar, şol kanun boýunça Ol ölmeli, sebäbi Ol Özüni Hudaýyň Ogly diýip atlandyrýar» diýdiler. 8 Bu sözleri eşidip, Pilat örän gorkdy. 9 Ol täzeden özüniň häkimlik jaýyna girip, Isadan: «Sen nireli?» diýip

sorady. Emma Isa oňa jogap bermedi.
10 Pilat Oňa: «Sen meniň bilen gepleşmek-
den ýüz öwürýäňmi? Seni boşatmaga-da,
haça çüýlemäge-de meniň ygtyýarymyň
bardygyny bileňokmy?» diýdi. 11 Isa oňa:
«Eger saňa ýokardan berilmedik bolsa-
dy, Meniň üstümden hiç hili ygtyýaryň
bolmazdy. Şonuň üçin hem, Meni tutup,
seniň eliňe bereniň günäsi has-da agyr-
dyr» diýip jogap berdi. 12 Şundan soň
Pilat Isany boşatmaga synanyşdy. Emma
ýahudylaryň baştutanlary gygyryşyp:
«Ony boşatsaň, sen imperatoryň dosty
dälsiň. Kim-de kim özüni patyşa saýsa,
ol imperatora garşydyr» diýdiler. 13 Pilat
bu sözleri eşidip, Isany daşary alyp çykdy
we Daş seki diýilýän ýerde hököm kür-
süsinde oturdy. Bu ýeriň arameýçe ady
Gabbatady. 14 Pesah baýramyna taýýarlyk
günüdi. Günortana golaý Pilat ýahudy-
lara ýüzlenip: «Ine, siziň Patyşaňyz!»
diýdi. 15 Olar: «Güm et Ony! Ýok et! Ony
haça çüýle!» diýip gygyryşdylar. Pilat
olardan: «Patyşaňyzy haça çüýläýinmi?»
diýip sorady. Ýolbaşçy ruhanylar: «Biziň
imperatordan başga patyşamyz ýokdur»
diýip jogap berdiler. 16 Ahyry Pilat Isany
haça çüýlemek üçin, Ony esgerleriň eline
tabşyrdy.

### *Isa haça çüýlenýär*
*(Matta 27:32-44; Mark 15:21-32; Luka 23:26-43)*

17 Esgerler Isany alyp gitdiler. Isa haçy-
ny Özi göterip, Kelleçanak diýilýän ýere
geldi. Bu ýeriň arameýçe ady Golgota-
dy. 18 Ol ýerde Isany we Onuň bilen bile
ýene iki adamy haça çüýlediler: olaryň
biri – Onuň sag tarapynda, beýlekisi çep
tarapyndady, Isa bolsa ortadady. 19 Pilat
bir tagtanyň ýüzüne ýazgy ýazdyryp,
ony haçyň ýokarsyndan asdyrdy. Tag-
tada: «ÝAHUDYLARYŇ PATYŞASY
NASYRALY ISA» diýlip ýazylandy.
20 Isanyň haça çüýlenen ýeriniň şähere
golaýdygy üçin, ýazgyny köp ýahudylar
okadylar. Ol ýewreýçe, grekçe we latyn-
ça ýazylypdy. 21 Ýahudylaryň ýolbaşçy
ruhanylary Pilata: «Muny „Ýahudylaryň
Patyşasy“ diýip ýazma-da, „Özüni Men
ýahudylaryň Patyşasy diýip atlandyrdy“
diýip ýaz» diýdiler. 22 Pilat olara: «Eý-
ýäm ýazjagymy ýazdym» diýip jogap
berdi. 23 Isany haça çüýlän esgerler Onuň
egin-eşigini aldylar. Onuň geýimlerini
dört bölege bölüp, her esgere bir paý
berdiler. Içki köýnegini hem aldylar. Içki
köýnek tikilgi däl-de, boýdan-başa tutuş
dokalgydy. 24 Esgerler biri-birine: «Ge-
liň, muny ýyrtmalyň, muňa bije atalyň,
kimiň bijesi çyksa, şol alar» diýdiler. Bu
Mukaddes Ýazgylardaky:

«Özara paýlaşýarlar geýimlerimi,
eginbaşym üçin bije atýarlar»

diýen sözleriň berjaý bolmagy üçin şeýle
boldy. Esgerler şeýle hem etdiler.
25 Isanyň haçynyň ýanynda Onuň ejesi,
daýzasy, Klopasyň aýaly Merýem we
magdalaly Merýem dagy durdy. 26 Isa
ejesini we onuň ýanynda duran söýgüli
şägirdini görüp, ejesine: «Eý, zenan, bu
seniň ogluňdyr» diýdi. 27 Onsoň şägirde
garap: «Bu-da seniň ejeňdir» diýdi. Şon-
dan soň ýaňky şägirt ony öz öýüne aldy.

### *Isanyň ölümi*
*(Matta 27:45-56; Mark 15:33-41; Luka 23:44-49)*

28 Onsoň Isa ähli zadyň tamam bolup
barýanyny bilip, Mukaddes Ýazgyla-
ryň berjaý bolmagy üçin, «Suwsadym»
diýdi. 29 Esgerler sirkeden doly küýzä

**19:24** Zeb 21:19.

bir esgini batyryp, käkilik otunyň bal-
dagyna daňdylar-da, içirjek bolup, ony
Isanyň agzyna ýetirdiler. 30 Isa sirkeden
dadyp: «Hemmesi berjaý boldy!» diýdi
we başyny egip jan berdi.

31 Şol gün Taýýarlyk günüdi, ertesi
bolsa esasy gün – Sabat günüdi. Şol se-
bäpden Sabat güni jesetler haçda galmaz
ýaly, ýahudylaryň baştutanlary Pilatdan
haça çüýlenenleriň injiklerini döwüp,
jesetleri aşak düşürtmegi haýyş etdiler.
32 Şonuň üçin hem, esgerler baryp, ilki
bilen Isanyň gapdalynda haça çüýlenen
birinji adamyň, soňra ikinji adamyň
injiklerini döwdüler. 33 Emma Isanyň
ýanyna gelenlerinde, Onuň eýýäm ölen-
digini görüp, injiklerini döwmediler.
34 Muňa garamazdan, esgerleriň biri
naýza bilen Onuň böwrüni dildi, şobada
ondan gan bilen suw çogduryldy. 35 Muny
gören adam şaýat boldy, onuň şaýatlygy
hakdyr. Ol siziň iman etmegiňiz üçin,
özüniň dogry sözleýändigini bilýändir.
36 Bu iş «Onuň ýekeje süňki hem dö-
wülmez» diýen Mukaddes Ýazgylaryň
berjaý bolmagy üçin boldy. 37 Mukaddes
Ýazgylaryň başga bir ýerinde bolsa:
«Olar özleriniň deşim-deşim edenine
serederler» diýilýär.

### *Isa jaýlanýar*
*(Matta 27:57-61; Mark 15:42-47;*
*Luka 23:50-56)*

38 Onsoň Isanyň şägirdi bolan, ýöne ýa-
hudylardan gorkup, muny ýaşyryp ýören
arimatiýaly Ýusup Onuň jesedini haçdan
düşürip almaga Pilatdan rugsat sorady.
Pilat oňa rugsat berdi. Ol baryp, Isanyň
jesedini haçdan düşürip aldy. 39 Ozal
gijäniň içinde Isanyň ýanyna baran Ni-
kodim hem Ýusup bilen biledi. Nikodim
jemi agramy iki put [a] bolan garyşyk mür
bilen aloe alyp geldi. 40 Ol ikisi Isanyň
jesedini getirip, ýahudylaryň jaýlama
adaty boýunça Ony ýakymly ysly ýag
sepilen kepene doladylar. 41 Isanyň haça
çüýlenen ýerinde bir bag bardy. Ol bagda
heniz hiç kim jaýlanmadyk bir täze ma-
zar bardy. 42 Şol gün ýahudylaryň Sabat
gününe taýýarlyk günüdi. Şonuň üçin
mazar golaý bolansoň, Isanyň jesedini
şol mazarda goýdular.

## 20-nji bap

### *Isa direlýär*
*(Matta 28:1-8; Mark 16:1-8;*
*Luka 24:1-12)*

1 Hepdäniň birinji güni [b], entek ala-
garaňkyka, magdalaly Merýem irden
mazara bardy. Görse, mazaryň agzyn-
dan daş aýrylypdyr. 2 Şonda ol Simun
Petrus bilen Isanyň söýgüli şägirdiniň
ýanyna ylgap baryp, olara: «Agamyzy
mazardan çykaryp äkidipdirler. Ony
nirede goýandyklaryny bilmeýäris» diý-
di. 3 Petrus bilen beýleki şägirt dessine
mazara tarap ýola düşdüler. 4 Olaryň
ikisi-de ylgaýardy, ýöne beýleki şägirt
Petrusdan çalt ylgap, mazara ondan
öň bardy. 5 Ol eglip seredende, maza-
ryň içinde kepeniň ýatandygyny gördi,
ýöne içerik girmedi. 6-7 Şol wagt onuň
yzyndan Simun Petrus hem geldi. Ol
mazara girip, ýerde ýatan kepeni we
Isanyň başyna oralan ýaglygy gördi.

[a] **19:39** ***Iki put*** – grekçe *ýüz lytra*. Bu takm. 30 kg deňdir.
[b] **20:1** ***Hepdäniň birinji güni*** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýekşenbe günüdir.

**19:36** Msr 12:46; Çöl 9:12; Zeb 33:21. **19:37** Zak 12:10.

Emma ýaglyk kepen bilen bir ýerde
bolman, aýry bir ýerde çözülgi ýatyrdy.
8 Soňra ol ýere birinji bolup baran şägirt
hem mazaryň içine girdi. Muny görüp,
ol Isanyň direlendigine ynandy. 9 Şol
pursada çenli olar Mukaddes Ýazgylar-
da Isanyň direljekdigi barada aýdylan
sözlere henizem düşünmändiler.

### *Isa magdalaly Merýeme görünýär*
*(Matta 28:9,10; Mark 16:9-11)*

10 Bu wakalardan soň şägirtler ýene
öýli-öýüne gaýtdylar. 11 Merýem bolsa
mazaryň agzynda durup aglaýardy. Ol
gözýaş edip durka, mazaryň içine eglip
seredende, 12 ak eşikli iki sany perişdä
gözi düşdi. Olaryň biri Isanyň jesediniň
ýatan ýeriniň başujunda, beýlekisi-de
aýagujunda otyrdy. 13 Olar ondan: «Eý,
zenan, näme üçin aglaýarsyň?» diýip
soradylar. Merýem olara: «Agamy ma-
zardan çykaryp alyp gidipdirler. Ony
nirede goýandyklaryny bilmeýärin»
diýdi. 14 Şeýle diýip, arkasyna öwrülende,
ol ýerde Isanyň durandygyny gördi, ýö-
ne Ony tanamady. 15 Isa oňa: «Eý, zenan,
näme üçin aglaýarsyň? Kimi gözleýär-
siň?» diýdi. Merýem Oňa bagbandyr
öýdüp: «Eý, aga, Ony mazardan sen
äkiden bolsaň, nirede goýanyňy maňa
aýt, men Ony alyp gideýin» diýdi. 16 Isa
oňa: «Merýem!» diýdi. Ol hem Oňa tarap
gaňrylyp seredip: «Rabbuni!» diýdi. (Bu
arameýçe «Mugallymym» diýmekdir.)
17 Isa oňa: «Maňa golaýlaşma, sebäbi Men
entek Atamyň ýanyna çykamok. Sen do-
ganlarymyň ýanyna gidip, olara Meniň
göge, Atamyň – Hudaýymyň ýanyna
barýanymy aýt. Ol siziň-de Ataňyzdyr
we Hudaýyňyzdyr» diýdi. 18 Magdalaly
Merýem şägirtleriň ýanyna gitdi. Olara:
«Rebbi gördüm!» diýip, Rebbiň özüne
aýdanlaryny şägirtlere habar berdi.

### *Isa şägirtlerine görünýär*
*(Matta 28:16-20; Mark 16:14-18;*
*Luka 24:36-49)*

19 Hepdäniň şol ilkinji güni agşamara
Isanyň şägirtleri üýşüp, ýahudylardan
gorkularyna gapylary gulplap otyrdylar.
Birdenkä Isa olaryň arasynda peýda
bolup: «Size rahatlyk bolsun!» diýdi.
20 Muny aýdyp, olara Öz ellerini, böw-
rüni görkezdi. Şägirtleri Rebbi görüp
şatlandylar. 21 Isa olara ýene-de: «Size
rahatlyk bolsun! Atamyň Meni iberişi
ýaly, Men hem sizi iberýärin» diýdi.
22 Şeýle diýip, olaryň üstüne üfläp goý-
berdi-de: «Mukaddes Ruhy kabul ediň.
23 Siz kimiň günäsini bagyşlasaňyz, şol
bagyşlanar, kimiň günäsini bagyşlama-
saňyz, şol bagyşlanmaz» diýdi.

### *Isa Tomasa görünýär*

24 Isa gelen mahaly Onkileriň biri, Ekiz
lakamly Tomas diýen şägirt olaryň ýa-
nynda däldi. 25 Beýleki şägirtler oňa:
«Reb Isany gördük!» diýdiler. Emma To-
mas olara: «Men Onuň ellerinde çüýleriň
yzyny görüp, şol yzlara barmaklarymy
degirmesem, böwrüni elläp görmesem,
asla ynanmaryn» diýdi.
26 Sekiz günden soň, şägirtler ýene
öýde üýşüp otyrdylar. Bu gezek Tomas
hem olaryň arasyndady. Gapylar gulply
bolsa-da, Isa öýe girip, olaryň arasynda
durdy. Ol: «Size rahatlyk bolsun!» diý-
di. 27 Onsoň Isa Tomasyň ýanyna baryp,
oňa: «Barmagyňy bu ýere degir, elleri-
me seret! Eliňi uzat-da, böwrüme degir.
Şübhelenmäňi bes et, imanly bol» diýdi.
28 Tomas Oňa: «Sen meniň Rebbimsiň!
Meniň Hudaýymsyň!» diýdi. 29 Isa oňa:
«Sen Meni góreniň üçin iman etdiň.
Görmän iman edenler nähili bagtly!»
diýdi. 30 Isa şägirtleriniň ýanynda bu

kitapda ýazylmadyk başga-da köp gud-
ratly alamatlar görkezdi. 31Ýöne bular
siziň Isanyň Hudaýyň Ogly Mesihdigine
iman etmegiňiz üçin we iman edip, Onuň
ady bilen ýaşaýşa gowuşmagyňyz üçin
ýazyldy.

## 21-nji bap

### *Isa kölüň kenarynda*

1Bu wakalardan soň, Isa Tiberiýa
kölüniň[a] kenarynda ýene şägirtlerine
göründi. Bu şeýle boldy: 2Simun Petrus,
Ekiz lakamly Tomas, Jeliläniň Kana
şäherinden bolan Natanaýel, Zebede-
ýiň ogullary we Isanyň şägirtlerinden
ýene ikisi bir ýere üýşüpdiler. 3Simun
Petrus olara: «Men balyk tutmaga gid-
ýärin» diýdi. Olar-da: «Biz hem seniň
bilen gitjek» diýdiler-de, gaýyga mü-
nüp gitdiler, ýöne şol gije hiç zat tutup
bilmediler. 4Gün doganda, Isa kenarda
durdy, ýöne şägirtleri Onuň Isadygyny
bilmediler. 5Isa olardan: «Eý, dostlar,
iýmäge zadyňyz barmy?» diýip sorady.
Olar: «Ýok» diýip jogap berdiler. 6Isa
olara: «Toruňyzy gaýygyň sag tarapyna
taşlaň, tutarsyňyz» diýdi. Olar tory sag
tarapa taşladylar welin, şeýle bir köp ba-
lyk tutdular, hatda balygyň köplüginden
ýaňa tory çekip çykarybam bilmediler.
7Şonda Isanyň söýgüli şägirdi Petrusa
ýüzlenip: «Bu Reb Isadyr!» diýdi. Simun
Petrus Onuň Rebdigini eşiden badyna
egnindäki köýneginiň etegini guşagyna
gysdyryp, özüni köle oklady. 8Beýleki
şägirtler bolsa balykdan doly tory çekip,
gaýyk bilen ýüzüp geldiler. Olar kenar-
dan uzak däldiler, onuň iki ýüz ädim
çemesi golaýyndadylar. 9Olar gury ýere
çykanlarynda, çörek we közüň üstünde
bişip duran balyk gördüler. 10Isa olara:
«Indi tutan balyklaryňyzdan getiriň»
diýdi. 11Simun Petrus gaýyga münüp,
içinde ýüz elli üç sany ullakan balyk-
dan doly tory kenara çykardy. Balyk
şeýle köp bolsa-da, tor ýyrtylmandy.
12Isa olara: «Hany, geliň, ertirlik edi-
niň» diýdi. Ondan: «Sen kim?» diýip
soramaga şägirtleriň hiç biri milt edip
bilmedi. Olar Onuň Rebdigini bilýärdi-
ler. 13Isa olaryň ýanyna geldi-de, çöregi
alyp, olara berdi, balygy hem şeýle etdi.
14Bu Isanyň direlenden soň, şägirtlerine
üçünji gezek görnüşidi.

### *Isanyň Petrus bilen söhbedi*

15Olar nahar edinip bolanlaryndan soň,
Isa Simun Petrusdan: «Eý, Ýohannanyň
ogly Simun, sen Meni bulardan artyk
söýýärsiňmi?» diýip sorady. Simun Oňa:
«Hawa, ýa Reb, Seni söýýändigimi Özüň
bilýänsiň» diýdi. Isa oňa: «Guzularymy
otlat» diýdi. 16Isa ikinji gezek ondan ýe-
ne: «Eý, Ýohannanyň ogly Simun, sen,
hakykatdan hem, Meni söýýärsiňmi?»
diýip sorady. Ol hem Isa: «Hawa, ýa
Reb, Seni söýýändigimi Özüň bilýänsiň»
diýip jogap berdi. Isa oňa: «Goýunla-
rymy bak» diýdi. 17Isa ýene-de ondan:
«Eý, Ýohannanyň ogly Simun, Meni
söýýärsiňmi?» diýip, üçünji gezek sora-
dy. Isanyň «Meni söýýärsiňmi?» diýip
üçünji gezek soranу üçin, Petrus gussa
batdy. Ol Isa: «Ýa Reb, Sen ähli zady
bilýänsiň, Seni söýýänimi-de bilýän-
siň» diýdi. Isa oňa: «Goýunlarymy otlat.
18Men saňa dogrusyny aýdýaryn, ýaşkaň
özüň biliňi guşap, islän ýeriňe gidýär-
diň. Garranyňda welin, elleriňi uzadyp
durarsyň, seni başga biri guşandyryp,
islemeýän ýeriňe alyp gider» diýdi. 19Isa

[a] **21:1** ***Tiberiýa köli*** – bu Jelile kölüniň beýleki ady.

bulary Petrusyň nähili ölüm bilen ölüp,
Hudaýy şöhratlandyrjakdygyny bildir-
mek üçin aýtdy. Muny aýdandan soňra
oňa: «Meniň yzyma düş» diýdi.

20 Petrus yzyna seredende, Isanyň söý-
güli şägirdiniň hem öz yzlaryna düşüp
gelýänini gördi. Bu şägirt agşamlyk
nahary wagtynda Isa ýaplanyp, On-
dan: «Agam, Saňa haýynlyk etjek adam
kim?» diýip soran şägirtdi. 21 Petrus ony
görüp, Isadan: «Ýa Reb, onuň ykbaly
nähili bolar?» diýip sorady. 22 Isa oňa:
«Özüm dolanyp gelýänçäm, onuň diri
galmagyny isleýän bolsam, saňa näme?
Sen Meniň yzyma düş» diýip jogap ber-
di. 23 Şu sebäpden imanly doganlaryň
arasynda bu şägirt ölmez diýen gürrüň
ýaýrady. Emma Isa onuň ölmejekdi-
gi barada aýtmandy, Ol Petrusa diňe:
«Özüm dolanyp gelýänçäm, onuň diri
galmagyny isleýän bolsam, saňa nä-
me?» diýipdi.

24 Bu zatlara şaýat bolup, şulary ýazan
şol şägirtdir. Biz onuň şaýatlygynyň
hakykatdygyny bilýäris. 25 Isa başga-da
köp işler etdi. Bular birin-birin ýazylan
bolsa, onda ol kitaplar, meniň pikirimçe,
tutuş äleme-de sygmazdy. [a]

[a] **21:25** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Resullaryň işleri

## Giriş

Lukanyň hoş habary Isa Mesihiň haça çüýlenmegi we ölümden direlmegi bilen tamamlanýar. Kitap tamamlansa-da, ondaky wakalar tamamlanmaýar. Hudaýyň Isa Mesihi ölümden direldip, Mukaddes Ruhuny ibereninden soň, başga wakalar başlanýar. Hut şu wakalary beýan etmek üçin hem Luka «Resullaryň işleri» atly kitaby ýazýar.

Kitabyň ýazylan döwründe Isanyň şägirtleriniň hemmesi diýen ýaly ýahudylardy. Emma Hoş Habaryň başga milletlere wagyz edilmeginiň netijesinde olar hem halas bolup, Hudaýyň wada eden Mukaddes Ruhuny alýarlar. Pawlus, Petrus we beýleki resullar Hoş Habary wagyz edip, Mukaddes Ruhuň güýji arkaly ençeme syrkawlara şypa berýärler, arwah-jyn uranlary erbet ruhlardan azat edýärler, tutuş Rim imperiýasynda mesihi ýygnaklarynyň düýbüni tutýarlar. Bu wakalaryň aglaba bölegi häzirki Türkiýe, Gresiýa we Italiýa döwletleriniň araçäklerinde bolup geçýärdi. Siz bu araçäkleri Mukaddes Kitabyň ahyrky sahypalarynda ýerleşdirilen kartada görüp bilersiňiz.

Luka mesihi ýygnaklaryň ir döwürdäki taryhyny beýan etmek bilen, Mukaddes Ýazgylardaky wadalaryň berjaý bolandygyny aýratyn nygtaýar. Ol Mukaddes Ruhuň güýjüniň we doga-dilegleriň, garyp-pukaralara ýardam bermegiň näderejede wajypdygyny okyjylaryna düşünmäge kömek edýär.

### *Mazmuny*


Resullara Mukaddes Ruh inýär ........ *1:1–2:47*
Iýerusalimdäki ýygnak ........ *3:1–8:3*
Hoş Habar Ýahudyýa bilen Samariýada wagyz edilýär ........ *8:4–9:31*
Hoş Habar keseki halklara wagyz edilýär ........ *9:32–15:35*
Hoş Habar Kiçi Aziýa, Gresiýa we Rime baryp ýetýär ........ *15:36–28:31*

## 1-nji bap

### *Isa Mukaddes Ruhy wada berýär*

[1]Eý, Teofil! Men birinji kitabymda
Isanyň tä göge göterilen gününe çenli
başdan-aýak bitiren we öwreden ähli
işleri barada ýazdym. [2]Ol göge göte-
rilmezden öň, Mukaddes Ruh arkaly
Öz saýlan resullaryna buýruklar berdi.
[3]Isa ejir çekip ölenden soň, ençeme
ynandyryjy deliller arkaly resullara di-
relendigini aýan etdi. Ol kyrk günüň
dowamynda olara görnüp, Hudaýyň
Şalygy barada gürrüň berdi. [4]Günleriň
birinde Isa olar bilen saçagyň başynda
otyrka, şeýle buýruk berdi: «Iýerusalim-
den gitmäň, Meniň owal aýdyşym ýaly,
Atamyň wada beren peşgeşine garaşyň.
[5]Ýahýa sizi suwa çümdüripdi, emma ýe-
ne birnäçe günden siz Mukaddes Ruha
çümdürilersiňiz».

### *Isa göge göterilýär*

[6]Resullar bir ýere üýşenlerinde, Isa-
dan: «Ýa Reb! Eýsem Ysraýyl şalygyny
dikeltmäge wagt bolmadymy näme?»
diýip soradylar. [7]Isa olara: «Atamyň
Öz ygtyýary arkaly kesgitlän wagtyny
ýa möhletini bilmek siziň işiňiz däl.
[8]Emma siziň üstüňize Mukaddes Ruh
inende, güýç-gudratdan dolarsyňyz.
Iýerusalimde, tutuş Ýahudyýada we
Samariýada, ýer ýüzüniň dört künje-
ginde siz Meniň şaýatlarym bolarsyňyz»
diýip jogap berdi. [9]Isa bulary aýdandan
soňra, resullar seredip durka, bir bulutda
ýokary göterildi. [10]Mundan soň resullar
Ony görmeseler-de, henizem gözlerini
göge dikip durdular. Birdenkä ak eşikli
iki adam olaryň alnynda peýda bolup:
[11]«Eý, jelileliler! Näme üçin göge sere-
dip dursuňyz? Isanyň göge göterilenini
gözüňiz bilen gördüňiz ahyry. Ol göge
nähili göterilen bolsa, hut şonuň ýaly
hem gaýdyp geler» diýdiler.

### *Ýudasyň ornuna Mattiýa saýlanýar*

[12]Mundan soňra resullar Zeýtun da-
gyndan Iýerusalime gaýdyp geldiler. Bu
dag Iýerusalime ýakyn bolup, bir Sabat
günlük ýoldy[a]. [13]Şähere girenlerinden
soň, olar öz bolýan öýleriniň ýokarky
gatyndaky otagyna çykdylar. Petrus,
Ýohanna, Ýakup, Andrys, Filip, Tomas,
Bartolomeý, Matta, Alfeýiň ogly Ýakup,
Watançy Simun we Ýakubyň ogly Ýu-
das dagy hem şol ýerdediler. [14]Olaryň
hemmesi bir ýere üýşüp, yzyny üzmän
doga-dileg edýärdiler. Olaryň arasynda
Isanyň ejesi Merýem, şeýle-de käbir
aýallar we Isanyň inileri hem bardy.
[15]Bir gün Petrus ýygnanyşan ýüz
ýigrimä golaý doganlaryň ortasynda
durup, şeýle diýdi: [16]«Eý, doganlar! Isa-
ny tutmaga gelenlere ýolbaşçylyk eden
Ýudas hakda Mukaddes Ruh Dawut
arkaly owal-başdan pygamberlik edip-
di. Mukaddes Ýazgylardaky şol sözler
amala aşmalydy. [17]Ýudas biziň birimiz
hasaplanýardy, ol hem bu hyzmatdan öz
paýyny alypdy».
[18](Ýudas haýynlyk edip gazanan pu-
luna bir ekin meýdanyny satyn alypdy.
Soňra şol ýerde başaşak ýykyldy we
garny ýarylyp, ähli içgoşy çogup çyk-
dy. [19]Bu waka bütin Iýerusalim ilatyna
mälim boldy we adamlar ol ýeri öz
dillerinde «Hakeldama», ýagny «Gan
meýdany» diýip atlandyrdylar.)

[a] **1:12** ***Bir Sabat günlük ýol*** – dini kanuna görä Sabat güni diňe bir kilometr ýol ýöremäge rugsat edilendi.

20 Soňra Petrus sözüni dowam edip,
şeýle diýdi: «Zeburda:

„Goý, onuň öýi çolaryp galsyn,
ol ýerde hiç kim mesgen
tutmasyn“,

şeýle hem: „Başga biri onuň ornuny al-
syn“ diýlip ýazylan. 21-22 Şonuň üçin hem,
Ýudanyň ornuna başga birini saýlama-
gymyz gerek. Bu adam Rebbimiz Isanyň
Ýahýa tarapyndan suwa çümdürilip, tä
göge göterilen wagtyna çenli hemişe
biziň aramyzda bile bolan adamlaryň
biri bolmaly. Ol hem biziň ýaly Isanyň
direlendigine şaýatlyk etsin».

23 Şeýlelikde, iki adamy öňe çykardylar.
Olaryň biri Barsap lakamly Ýusup (oňa
Ýustus hem diýýärdiler), beýlekisi bolsa
Mattiýdi. 24 Onsoň Hudaýa doga-dileg
edip: «Ýa Reb! Sen hemmäniň ýüregini
bilýärsiň. Ine, şu ikisinden haýsy birini
resullyga saýlan bolsaň, bize görkez,
25 sebäbi Ýudas etmeli hyzmatyny taşlap,
özüne degişli ýere gitdi» diýdiler. 26 On-
soň bu ikisi üçin bije atdylar. Mattiniň
bijesi çykdy. Şeýlelikde, Mattiý on bir
resula goşuldy.

## 2-nji bap

### *Resullara Mukaddes Ruh inýär*

1 Ellinji gün baýramy güni ähli iman-
lylar bir ýere ýygnanyşyp otyrdylar.
2 Birdenkä asmandan güýçli şemalyň
sesine meňzeş şuwwuldy peýda bolup,
olaryň oturan öýüniň içini doldurdy.
3 Olar uçguna meňzeş bir zatlaryň pytrap,
öz üstlerine inendigini gördüler. 4 Olaryň
hemmesi Mukaddes Ruhdan doldular
we Mukaddes Ruhuň beren ukybyna
görä, başga dillerde gepläp başladylar.
5 Şol döwürde Iýerusalimde dünýäniň
ähli ýurtlaryndan gelen hudaýhon ýa-
hudylar ýaşaýardylar. 6 Bu galmagally
sese uly mähelle ýygnandy. Olar öz
ene dillerindäki gürrüňleri eşidip, al-
jyradylar. 7 Hemmeler haýran galdylar
we geňirgenişip, biri-birlerine şeýle
diýdiler: «Serediň, bu gepleýänleriň
hemmesi jelileli dälmi näme? 8 Onda nä-
dip biziň her birimiz öz ene dilimizdäki
sözleri eşidýäris? 9 Aramyzda Parfiýadan,
Madaýdan, Eýlamdan, Mesopotamiýa-
dan, Ýahudyýadan, Kappadokiýadan,
Pontusdan we Aziýadan gelenler bar.
10 Frikiýadan, Pamfiliýadan, Müsürden,
Kirineýiň golaýyndaky Liwiýadan ge-
lenler hem bar. Şeýle-de Rimden gelen
ýahudylar we ýahudy dinini kabul eden-
ler bar. 11 Käbirimiz Krit adasyndan we
Arabystandan geldik. Muňa garamazdan,
Hudaýyň beýik işleri barada olaryň biziň
ene dilimizde gepleýändigini eşidýäris».
12 Olar haýran galdylar we aljyraşyp: «Bu
näme boldugyka?» diýişdiler. 13 Käbirleri
bolsa olary masgaralap: «Olar şerapdan
serhoş bolupdyrlar» diýdiler.

### *Petrus halka wagyz edýär*

14 Şonda Petrus Onbirler bilen bile ýerin-
den turup, batly ses bilen şeýle diýdi: «Eý,
ýahudy doganlar we Iýerusalim ilaty! Mu-
nuň manysyny size düşündireýin, meniň
sözlerime gulak asyň. 15 Bular siziň pikir
edişiňiz ýaly, serhoş däl. Sagat ýaňy irden
dokuz ahyry. 16 Ýok, bu görýänleriňiz
Ýowel pygamber tarapyndan aýdylandyr:
17 „Hudaý şeýle diýýär:
Ahyrky günlerde şeýle bolar,
Men ähli ynsanlaryň üstüne
Öz Ruhumy dökerin.
Pygamberlik eder oguldyr
gyzlaryňyz,

**1:20** Zeb 68:26; 108:8. **2:17-21** Ýow 2:28-32.

aýanlyk alarlar ýigitleriňiz,
düýşler görer garrylaryňyz.
18 Şol günlerde Men hatda gullardyr
gyrnaklaryň üstüne,
Öz Ruhumy dökerin.
Olar-da pygamberlik ederler.
19 Men ýokarda, asmanda
mugjyzalar,
aşakda, ýerde alamatlar:
gan, ot hem-de tüsse sütünlerini
görkezerin.
20 Rebbiň beýik we gazaply güni
gelmezden ozal,
Gün tümlüge, Aý hem gana
döner.
21 Şonda Rebbi çagyran her bir
ynsan halas bolar“.
22 Eý, ysraýyl halky! Bu sözlere gulak
asyň: öz bilşiňiz ýaly, Hudaý nasyraly
Isa arkaly araňyzda gudratlar, mugjyza-
lar we alamatlar görkezdi. Munuň bilen
Ol Isanyň ygtyýarlygyny tassyklady.
23 Hudaý Öz tutan maksadyna görä, Isany
siziň eliňize bermegi öňden karar edipdi.
Siz Ony kesekileriň eli bilen tutduňyz we
haça çüýläp öldürdiňiz. 24 Emma Hudaý
Ony direldip, ölüm jebrinden halas etdi.
Onuň ölüm penjesinde galmagy mümkin
däldi. 25 Dawut Ol hakda şeýle diýipdi:
„Reb elmydama gözlerimiň
öňünde;
sarsdyrylmaryn, çünki Ol
meniň sagymda.
26 Şoňa görä ýüregim begençli,
dilim şatlanýar,
bedenim hem umyt bilen ýaşaýar.
27 Çünki Sen meni ölüler
dünýäsinde goýmarsyň,
sadygyňyň gabyrda
çüýremegine ýol bermersiň.
28 Ýaşaýyş ýoluny maňa görkezersiň:
huzuryňda meni şatlykdan
doldurarsyň“.
29 Doganlar! Beýik atamyz Dawut hakda
meniň size aç-açan aýtmagym gerek. Ol
öldi, jaýlandy, mazary bolsa biziň günle-
rimize çenli saklanyp galypdyr. 30 Dawut
bir pygamberdi. Hudaýyň ant içip, be-
ren sözüne görä, Dawut öz neslinden
biriniň onuň tagtynda [a] oturjakdygyny
bilýärdi. 31 Dawut geljegi öňden görüp,
Mesihiň direlişi barada şeýle diýipdi:
„Hudaý Ony ölüler dünýäsinde galdyr-
mady, Onuň bedeni gabyrda çüýremedi“.
32 Hudaý Isany ölümden direltdi, biziň
hemmämiz muňa şaýatdyrys. 33 Indi Isa
beýgeldildi we Ol Hudaýyň sagynda
otyr. Ol wada edilen Mukaddes Ruhy
Ata Hudaýdan kabul edip, Ony biziň
üstümize ýagdyrdy. Muny siziň özüňiz
görüp we eşidip dursuňyz. 34-35 Dawudyň
özi göklere çykmasa-da, şeýle diýipdi:
„Hudaý Rebbime şeýle sözledi:
‘Duşmanlaryňy aýak astyna
salýançam,
Meniň sagymda otur’“.
36 Şonuň üçin hem, eý, tutuş ysraýyl
halky, şuny anyk bilip goý: Hudaý siziň
haça çüýlän bu Isaňyzy hem Reb, hem
Mesih edip belledi».

37 Bu sözleri eşidende, adamlaryň ýü-
regine hanjar urlan ýaly boldy. Olar
Petrusdan we beýleki resullardan: «Do-
ganlar, biz näme etmeli?» diýip soradylar.
38 Petrus olara şeýle diýdi: «Toba ediň,

[a] **2:30** ***Dawut Öz neslinden biriniň onuň tagtynda*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Dawut ten boýunça öz neslinden bolan Mesihi beýgeltjekdigini we onuň tagtynda* diýip duş gelýär.

**2:25-28** Zeb 15:8-11. **2:34-35** Zeb 109:1.

her biriňiz Isa Mesihiň ady bilen suwa
çümdüriliň. Şonda siziň günäleriňiz ba-
gyşlanar we Mukaddes Ruhuň peşgeşini
alarsyňyz. 39 Bu wada siziň özüňiz we
çagalaryňyz üçin, uzakda bolanlaryň
ählisi, ýagny Hudaýymyz Rebbiň ça-
gyrjaklarynyň her biri üçindir».
40 Petrus başga-da köp deliller bilen
olara şaýatlyk edip: «Özüňizi bu azgyn
nesilden halas ediň!» diýip ýalbardy.
41 Şeýlelikde, onuň sözlerini şatlyk bilen
kabul edenler suwa çümdürildi. Şol gün
üç müňe golaý adam iman etdi. 42 Olar
resullaryň taglymatyny öwrenmäge,
ýakyn gatnaşykda ýaşamaga, bile çörek
iýmäge we doga-dileg etmäge yhlasly
ýapyşdylar.

### *Imanlylar arasyndaky birlik*

43 Resullar arkaly köp mugjyzalar-
dyr alamatlar görkezilýärdi. Şol sebäpli
hemmeleriň kalbyny gorky gaplapdy.
44 Iman edenleriň hemmesi bilediler.
Olar ähli zatlaryny orta goýýardylar.
45 Mal-mülklerini satyp, her kimiň mä-
täçligine görä öz aralarynda bölüşerdiler.
46 Olar bir adam ýaly bolup, her gün yba-
dathanada ýygnanardylar. Biri-biriniňkä
myhmançylyga baryp, çöregi bölüşip
iýýärdiler. Çyn ýürekden şatlanyp na-
harlaryny paýlaşardylar. 47 Hudaýa alkyş
okap, bütin il içinde hormatlanylýardylar.
Hudaý hem halas bolanlaryň sanyny
günsaýyn köpeldýärdi.

## 3-nji bap

### *Petrus otura maýyby sagaldýar*

1 Bir gün Petrus bilen Ýohanna öý-
län sagat üçlerde – doga-dileg wagty
ybadathana gitdiler. 2 Şol wagt ybadat-
hananyň Owadan diýen derwezesine bir
dogabitdi otura adamy göterip getirdiler.
Ybadathana girýänlerden sadaka dile-
megi üçin, ony her gün şol ýere getirip
oturdýardylar. 3 Bu adam Petrus bilen
Ýohannanyň ybadathana girip barýany-
ny görüp, olardan sadaka diledi. 4 Petrus
bilen Ýohanna oňa üns berip seretdiler.
Soňra Petrus oňa: «Bize seret!» diýdi.
5 Ýaňky adam olardan bir zat alaryn
öýdüp, olara çiňerilip seretdi. 6 Petrus
oňa: «Meniň kümşüm, altynym ýok,
ýöne özümde barymy saňa berýärin.
Nasyraly Isa Mesihiň adyndan buýurýa-
ryn: Tur-da, ýöre!» diýdi. 7 Onsoň Petrus
onuň sag elinden tutup, oňa ýerinden
turmaga kömek etdi. Ýaňky adamyň
şobada aýaklaryna ysgyn geldi. 8 Ol
ýokary towusdy-da, ýöräp başlady. On-
soň Hudaýa alkyş aýdyp, ýöräp hem
towsup, olar bilen birlikde ybadathana
girdi. 9 Bütin halk onuň ýöreýändigini
we Hudaýy alkyşlaýandygyny gördi.
10 Adamlar onuň ybadathananyň Owa-
dan diýen derwezesinde sadaka diläp
oturýan adamdygyny tanadylar. Onuň
başdan geçiren bu wakasyna juda haý-
ran galdylar.

### *Petrusyň ybadathanadaky sözi*

11 Ýaňky sagalan otura Petrus bilen
Ýohannany goýbermän durka, tutuş
halk haýran galyp, olara tarap, Süleý-
manyň eýwany diýen ýere ylgaşyp geldi.
12 Petrus muny görende, halka ýüzlenip,
şeýle diýdi: «Eý, ysraýyl halky! Näme
üçin muňa haýran galýarsyňyz? Näme
üçin biz bu adamy öz gudratymyz ýa
hudaýhonlygymyz bilen ýöreden ýaly,
bize beýle dykgat bilen seredýärsiňiz?
13 Ata-babalarymyz Ybraýymyň, Ysha-
gyň, Ýakubyň Hudaýy Öz guly Isany
şöhratlandyrdy. Emma siz Ony ölüme
tabşyrdyňyz, hatda Pilat Ony boşatmagy
ýüregine düwende-de, siz Ony Pilatyň

huzurynda inkär etdiňiz. [14]Hawa, siz
Mukaddes we Dogry Bolany inkär edip,
bir ganhoryň boşadylmagyny talap etdi-
ňiz. [15]Siz Ýaşaýyş Gözbaşyny öldürdiňiz,
emma Hudaý Ony direltdi. Biz muňa
şaýatdyrys. [16]Ine, siziň görýän hem ta-
naýan bu adamyňyz Isanyň adyna bolan
imany arkaly gözüňiziň alnynda bütinleý
sagaldy. Siziň hemmäňiziň görşüňiz
ýaly, Isa bolan bu iman ony sagaltdy.
[17]Eý, dostlar, edil öz ýolbaşçylaryňyz
ýaly, siziň-de düşünmezlikden şeýle
hereket edendigiňizi bilýärin. [18]Emma
Hudaý Öz Mesihiniň görgi görjekdigi
barada ähli pygamberleriň üsti bilen
öňden aýdanlaryny berjaý etdi. [19]Indi
günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba
ediň we Hudaýa tarap öwrüliň. [20]Şonda
Reb size aram tapyş pursadyny berer.
Ol siziň üçin bellenen Mesihi, ýagny
Isany ýollar. [21]Hudaýyň Öz mukaddes
pygamberleri arkaly owaldan söz berşi
ýaly, ähli zady dikeltmegiň wagty ge-
ler. Emma şol wagt gelýänçä, Isanyň
gökde galmagy gerek. [22]Musa şeýle
diýipdi: „Hudaýyňyz Reb siziň üçin öz
halkyňyzyň arasyndan meniň ýaly bir
pygamber çykarar. Onuň size aýtjak her
bir sözüne gulak asyň. [23]Kimde-kim şol
pygambere gulak asmasa, ol adam Hu-
daýyň halkynyň arasyndan çykarylyp,
doly ýok ediljekdir“. [24]Hakykatdan hem,
Şamuwelden başlap, ähli pygamberler bu
günleriň wakalary barada pygamberlik
etdiler. [25]Siz şol pygamberleriň nesil-
lerisiňiz we Hudaýyň ata-babalaryňyz
bilen baglaşan ähtiniň mirasçylarysy-
ňyz. Hudaý Ybraýyma: „Ýer ýüzüniň
ähli milletleri seniň nesliň arkaly pata
alarlar!“ diýdi. [26]Ýaman ýoluňyzdan
öwrüp, sizi ýalkamak üçin, Hudaý Öz
guly Isany saýlady we ilki bilen Ony
size ýollady».

## 4-nji bap

### *Petrus bilen Ýohanna ýokary mejlisiň öňünde*

[1]Petrus bilen Ýohanna halka gürrüň
berip durkalar, birnäçe ruhanylar, yba-
dathana goragçylarynyň baştutany we
saddukeýler olara garşy çykdylar. [2]Olar
gahar-gazaba mündüler, sebäbi bu iki re-
sul Isany mysal getirip, halka öwretmek
bilen ölüleriň direlişini wagyz edýärdi.
[3]Olar Petrus bilen Ýohannany tutdular
we agşam düşendigi sebäpli, olary ertire
çenli zyndanda sakladylar. [4]Emma bu
gürrüňleri diňlänleriň ençemesi Isa iman
etdi. Şonda iman eden erkekleriň sany
bäş müňe ýetdi. [5]Ertesi gün ýahudyla-
ryň ýolbaşçylary, ýaşululary we Töwrat
mugallymlary Iýerusalime ýygnandylar.
[6]Baş ruhany Hanan, Kaýafa, Ýohanna,
Isgender we baş ruhanynyň garyndaş-
lary şol ýerdediler. [7]Olar Petrus bilen
Ýohannany ortada durzup: «Siz muny
haýsy gudrat bilen, kimiň adyndan et-
diňiz?» diýip soradylar. [8]Şonda Petrus
Mukaddes Ruhdan dolup, olara şeýle
diýdi: «Eý, halkyň ýolbaşçylary we ýa-
şululary! [9]Biz bu gün bir otura maýyba
ýagşylyk edendigimiz we onuň şypa
tapandygy üçin soraga çekilýän bolsak,
[10]onda siziň hemmäňiz, ähli ysraýyl
halky şuny bilip goýuň: ine, bu adam
nasyraly Isa Mesihiň ady bilen şypa
tapyp, sag-salamat öňüňizde dur. Siz
Isany haça çüýlediňiz, emma Hudaý Ony
ölümden direltdi. [11]Isa hakda Mukaddes
Ýazgylarda şeýle ýazylgydyr:
„Siz ussalaryň ret eden bu daşy

**3:22** Kan 18:15-16. **3:23** Lew 23:29. **3:25** Gçk 22:18; 26:4. **4:11** Zeb 117:22.

binanyň burç daşy boldy“.
12 Ondan başga Halasgär ýokdur. Onuň
ady bütin älemde adamzady halas edip
bilýän ýeke-täk atdyr».

13 Mejlis agzalary Petrus bilen Ýohan-
nanyň batyrgaýlygyny görenlerinde we
olaryň okuw okamadyk bir ýönekeý
adamlardygyny bilenlerinde haýran
galdylar, olaryň Isanyň şägirtleridigine
göz ýetirdiler. 14 Şypa tapan adam hem
bu iki resul bilen bile durdy. Şonuň üçin
olaryň garşysyna hiç zat aýdyp bilmedi-
ler. 15 Şeýlelikde, olara ýokary mejlisden
daşary çykmagy buýurdylar-da, özara
maslahata başladylar: 16 «Bu adamlary
näme edeliň? Iýerusalimde ýaşaýanlaryň
her biri bularyň täsin gudrat görke-
zendigini bilýär. Biz muny inkär edip
bilmeýäris. 17 Emma bu habar halk ara-
synda has-da köp ýaýramaz ýaly öňüni
alalyň we mundan beýläk Isanyň ady
bilen hiç kime hiç zat aýtmazlyklary
üçin, olara duýduryş bereliň».

18 Onsoň olary çagyryp, Isanyň ady
bilen geplemezligi we wagyz etmezligi
buýurdylar. 19 Emma Petrus bilen Ýo-
hanna olara: «Hudaýyň sözlerine däl-de,
siziňkä gulak asmak Hudaýyň nazaryn-
da dogrumydyr? Özüňiz netije çykaryň!
20 Biz-ä görüp-eşidenlerimizi aýtman
durup bilmeris» diýip jogap berdiler.

21 Mejlis agzalary olara iň soňky duý-
duryş berenden soň, olary boşadyp
goýberdiler. Olary jezalandyrmak üçin
hiç hili bahana tapyp bilmediler, sebäbi
bolan wakany ähli halk bilip, Hudaýy
şöhratlandyrýardy. 22 Gudrat arkaly şypa
tapan adam bütin ömrüne, kyrk ýyldan
gowrak bäri otura maýypdy.

23 Petrus bilen Ýohanna boşanlaryndan
soň, dostlarynyň ýanyna gaýdyp bardylar
we ýolbaşçy ruhanylaryň, ýaşulularyň
özlerine aýdanlarynyň baryny olara
habar berdiler. 24 Muny eşidenlerinde,
olaryň hemmesi batly ses bilen Hudaýa
şeýle doga-dileg etdiler: «Eý, Hojaýyny-
myz Reb! Ýeri, gögi, deňzi we olardaky
ähli zady ýaradan Sensiň! 25 Sen Mu-
kaddes Ruh arkaly Öz guluň – atamyz
Dawudyň üsti bilen şeýle diýdiň:

„Milletler näme üçin gazaba
münýär?
Halklar nämä biderek pitne
turuzýar?
26 Rebbe we Onuň Saýlanyna[a] garşy
dünýä şalary aýaga galýar,
hökümdarlar birigýär we baş
galdyrýar“.

27 Hakykatdan-da, keseki milletler we
ysraýyl halky bilen birlikde Hirod we
Pontiý Pilat bu şäherde Öz saýlap-seçen
mukaddes guluň Isa garşy aýaga galdy-
lar. 28 Olar Seniň gudratyň we yradaň
bilen owaldan karara gelen her bir işiňi
hakykata öwürmek üçin ýygnandylar.
29 Ýa Reb, olaryň haýbat atyşlaryny bir
görsene! Indi Seniň Hoş Habaryňy ba-
tyrgaýlyk bilen aýtmaga biz gullaryňa
güýç-gaýrat ber. 30 Mukaddes guluň Isa-
nyň ady bilen hassalara şypa bermek
üçin we alamatlardyr mugjyzalar gör-
kezmek üçin bize eliňi uzat!»

31 Doga-dileg edip bolanlaryndan soň,
olaryň üýşüp duran ýeri sarsdy. Hemme-
ler Mukaddes Ruhdan dolup, batyrgaýlyk
bilen Hudaýyň Hoş Habaryny aýtmaga
başladylar.

---

[a] **4:26** ***Saýlanyna*** – grekçe *Hristos*, bu Mesih diýmek. Sözlükde «Mesih» sözüne seret.

**4:25** Zeb 2:1-2.

### *Imanlylar ähli zatlaryny paýlaşýarlar*

32 Imanlylar bir jan, bir tendiler. Ola-
ryň hiç biri öz emlägine-de meniňki
diýmeýärdi, ähli zatlary ortalykdy. 33 Re-
sullar beýik gudrat bilen Reb Isanyň
direlendigine şaýatlyk edýärdiler. Hu-
daý olaryň hemmesine beýik merhemet
eçildi. 34 Aralarynda mätäç adam ýokdy.
Sebäbi kimiň mellegi, öýi bar bolsa, ola-
ry satýardylar. Satylan zatlaryň puluny
bolsa getirip, 35 resullaryň öňünde goý-
ýardylar. Şeýlelikde, her kime geregiçe
paýlanýardy. 36 Imanlylaryň arasynda
lewilerden bolan Ýusup atly bir adam
bardy. Onuň asly Kiprdendi. Resullar
oňa Barnap, ýagny «Ruhlandyryjy» di-
ýip at goýupdylar. 37 Ýusup hem öz ýerini
satyp, puluny resullara getirip berdi.

## 5-nji bap

### *Hanany bilen Sapfira*

1 Hanany diýen adam aýaly Sapfira
bilen bir bölek mülküni satdy. 2 Ol aýaly
bilen dilleşip, mülküň pulundan bir paý
özüne alyp galdy. Hanany puluň galany-
ny getirip, resullara berdi. 3 Petrus oňa
şeýle diýdi: «Hanany, näme üçin sen
şeýtana kalbyňdan orun berdiň? Sen
Mukaddes Ruha ýalan sözläp, puluň
bir bölegini özüňe alyp galdyň. 4 Ol sa-
tylanda-satylmanda hem öz emlägiňdi
ahyry. Ony satanyňdan soňam puluny
öz isleýşiň ýaly ulanyp bilerdiň. Nädip
beýle zady edip bildiň? Sen ynsanlara
däl-de, Hudaýa ýalan sözlediň».
5 Hanany bu sözleri eşiden badyna,
ýere ýykylyp jan berdi. Bu wakany eşi-
denleriň baryny elhenç gorky gurşap
aldy. 6 Onsoň ýigitler gelip, ony kepene
doladylar-da, äkidip jaýladylar. 7 Üç sa-
gada golaý wagt geçenden soň, Hananyň
aýaly geldi. Onuň bu bolan wakadan
habary ýokdy. 8 Petrus ondan: «Maňa
aýt, adamyň ikiňiz ýeriňizi şu baha
satdyňyzmy?» diýip sorady. Aýal hem:
«Hawa, şu baha satdyk» diýip jogap ber-
di. 9 Petrus oňa: «Näme üçin siz Rebbiň
Ruhuny synaga salmak üçin dilleşdiňiz?
Anha, seret, seniň adamyňy jaýlanlar
gapa golaýlap gelýärler, olar seni hem
äkiderler» diýdi. 10 Edil şol pursatda ol
aýal Petrusyň aýagyna ýykylyp, jan
berdi. Ýigitler içeri girenlerinde, onuň
ölendigini gördüler. Ony äkitdiler-de,
äriniň ýanynda jaýladylar. 11 Tutuş ýyg-
nagy we bu hakda eşidenleriň baryny
uly gorky gurşap aldy.

### *Resullar köp hassalary sagaldýarlar*

12 Resullar halk arasynda ençeme
alamatlar, mugjyzalar görkezýärdiler.
Ähli imanlylar ybadathanadaky Süleý-
manyň eýwanynda üýşerdiler. 13 Halk
olara uly hormat goýsa-da, hiç kim olara
goşulmaga milt edip bilmedi. 14 Muňa
garamazdan, Reb Isa iman edenlere
goşulan erkekdir aýallaryň sany barha
artýardy. 15 Petrus geçip gidende, hiç bol-
manda, onuň kölegesi hassalaryň üstüne
düşsün diýip, olary köçelere çykaryp,
çarpaýalarda we düşeklerde ýatyrýar-
dylar. 16 Iýerusalimiň töweregindäki
obalardan gelen mähelle-de hassalary we
arwah-jynlardan ejir çekýänleri getirýär-
di. Hassalaryň hemmesi şypa tapýardy.

### *Resullara edilen sütemler*

17 Şeýlelikde, baş ruhany we onuň
ýanyndaky saddukeýleriň ähli̇si göriplik-
den ýaňa aýaga galdylar. 18 Olar resullary
tutup, şäher zyndanyna saldylar. 19 Emma
gije Rebbiň bir perişdesi zyndanyň ga-
pylaryny açdy-da, olary daşary çykaryp:
20 «Baryň, ybadathana gidip, halka bu

täze ýaşaýyş baradaky habary wagyz
ediň» diýdi. [21] Resullar muny eşidenlerin-
de, gün dogan badyna ybadathana gelip,
halka öwretmäge başladylar.

Bu aralykda baş ruhany bilen onuň
ýanyndakylar gelip, ýokary mejlisi we
ysraýyl halkynyň ähli ýaşulularyny bir
ýere çagyrdylar. Onsoň zyndandan resul-
lary getirmäge adam ýolladylar. [22] Emma
gullukçylar olary zyndandan tapmadylar.
Olar yzyna gelip: [23] «Zyndan mäkäm
gulply eken, garawullar hem gapylaryň
agzynda duran ekenler, emma gapyny
açanymyzda, içerde hiç kimi tapma-
dyk» diýip habar berdiler. [24] Ybadathana
goragçylarynyň baştutany, ýolbaşçy
ruhanylar bu sözleri eşidenlerinde: «Bu
näme boldugyka?» diýşip, aljyraňňyly-
ga düşdüler. [25] Şol wagt biri gelip, olara:
«Anha, zyndana salan adamlaryňyz
ybadathanada halka wagyz edip durlar»
diýip habar berdi. [26] Şeýlelikde, baştutan
bilen gullukçylar gidip, olary güýç ulan-
mazdan getirdiler, sebäbi olar halkyň
özlerini daşlamagyndan gorkýardylar.
[27] Olary getirip, ýokary mejlisiň öňünde
duruzdylar. Baş ruhany olary sorag edip:
[28] «Biz size şu at bilen wagyz etmäň diýip,
berk tabşyryk bermänmidik? Siz bolsa
öz taglymatyňyz bilen bütin Iýerusalimi
doldurdyňyz. Bu adamyň ganyny hem
biziň üstümize ýüklejek bolýarsyňyz»
diýdi. [29] Petrus bilen resullar olara şeýle
jogap berdiler: «Ynsana däl-de, Hudaýa
boýun bolmak has möhümdir. [30] Ata-ba-
balarymyzyň Hudaýy siziň haça çüýlän
Isaňyzy direltdi. [31] Hudaý Ysraýyla toba
etdirip, günälerini bagyşlamak üçin, bu
Adamy Baştutan hem Halasgär edip, Ony
beýgeltdi we Öz sagynda oturtdy. [32] Biz
bu zatlara şaýatdyrys, Mukaddes Ruh
hem şaýatdyr. Hudaý Mukaddes Ruhy
Özüne boýun bolanlara berdi».

[33] Mejlisiň agzalary muny eşidende
gahar-gazaba münüp, olary öldürmegiň
küýüne düşdüler. [34] Emma hemmeler
tarapyndan sylanýan fariseý we Töw-
rady öwrediji Gamaliýel atly bir agza
ýerinden turup, resullary birsalym daşary
çykarmagy buýurdy. Ol baş mejlisde
hemmeler tarapyndan sylanýan Töwra-
dy öwredijidi. [35] Soňra Gamaliýel şeýle
diýdi: «Eý, ysraýyl halky! Bu adamlar
babatda etjek bolýan işiňizde seresap bo-
luň. [36] Ýaňy-ýakynda özüni beýik adam
saýýan Teýuda gozgalaň turuzdy, dört
ýüz adam onuň yzyna eýerdi. Emma ol
öldürilenden soň, onuň yzyna eýerenle-
riň hemmesi dargap gitdi. [37] Mundan soň
ilat ýazuwy günlerinde jelileli Ýudas
orta çykdy we ençeme adamy öz yzyna
düşürdi. Emma ol hem öldürilenden soň,
yzyna eýerenleriň hemmesi dargady.
[38] Indi bu adamlardan el çekiň, olary
boşadyp goýberiň, sebäbi bu iş ynsan-
dan bolsa, onda öz-özünden ýok bolup
gider. [39] Emma Hudaýdan bolsa, onda siz
bu işiň öňüni alyp bilmersiňiz. Birden
Hudaýa garşy söweşýänler bolup çy-
kaýmaň». [40] Şeýlelikde, olar Gamaliýeliň
maslahatyny kabul etdiler. Olar resullary
çagyryp ýençdirdiler we Isanyň ady bilen
geplemezligi tabşyryp, olary boşatdylar.
[41] Resullar Isanyň ady ugrunda masgara
bolmaga mynasyp görlendikleri üçin
ýokary mejlisden şadyýan çykyp gitdiler.
[42] Olar her gün ybadathananyň howlu-
synda we adamlaryň öýlerinde halka
öwretdiler. Isanyň Mesihdigi baradaky
Hoş Habary dyngysyz wagyz etdiler.

## 6-njy bap

### *Ýedi kömekçi*

[1] Şol günlerde şägirtleriň sany bar-
ha artýardy. Emma grekçe gepleýän

imanlylar arameýçe gepleýän imanly-
laryň gündelik iýmit paýlaşygynda dul
aýallary gözden salýandyklary üçin ola-
ryň üstünden şikaýat etdiler. 2Şeýlelikde,
on iki resul ähli şägirtleri ýanlaryna
ýygnap, olara şeýle diýdiler: «Hudaýyň
Hoş Habaryny wagyz etmegi taşlap, bi-
ziň saçak başynda hyzmat etmegimiz
dogry däl. 3Eý, doganlar, öz araňyzdan
ýedi adamy saýlaň. Olar Mukaddes Ruh-
dan we akyl-paýhasdan doly, atly-abraýly
adamlar bolsunlar. Bu hyzmaty şolara
tabşyralyň. 4Biz bolsa özümizi Hudaýa
doga-dileg etmäge we Onuň Hoş Haba-
ryny wagyz etmäge bagyş edeliň».

5Bu pikir hemmäniň göwnünden
turdy. Ilki bilen olar imany güýçli we
Mukaddes Ruhdan doly bolan Stefany
saýladylar. Şeýle-de Filipi, Prohory, Ni-
kanory, Timony, Parmeni we antiýohly
Nikolasy saýladylar. Nikolas öň ýahudy
dinini kabul edendi, indi Isa ynandy.
6Onsoň bu adamlary resullaryň huzu-
ryna getirdiler. Resullar hem ellerini
olaryň başyna goýup, olar üçin Hudaýa
doga-dileg etdiler. 7Şeýlelikde, Hudaýyň
Hoş Habary has-da ýaýrap, Iýerusalimde
şägirtleriň sany barha köpelýärdi. Köp
sanly ruhanylar-da iman etdiler.

### *Stefan tutulýar*

8Hudaýyň merhemetinden we
gudratyndan doly bolan Stefan halk
arasynda ajaýyp mugjyzalardyr ala-
matlar görkezýärdi. 9Emma Azatlar
diýip atlandyrylýan sinagoganyň käbir
agzalary Stefana garşy çykyp, onuň
bilen jedelleşmäge başladylar. Olar ki-
rineýliler, isgenderiýalylar, şeýle hem
Kilikiýa we Aziýa welaýatlaryndan
gelenlerdi. 10Mukaddes Ruh Stefana köp
akyl-paýhas berdi, şonuň üçin olar Stefa-
nyň aýdanlaryna garşy durup bilmediler.

11Şonda sinagoga agzalary birnä-
çe adamy ogrynça yryp, olara: «Bu
adamyň Musa we Hudaýa garşy küpür
gepländigini eşitdik diýip aýdyň» diý-
diler. 12Şeýdip, olar halky, ýaşululary
we Töwrat mugallymlary öjükdirdiler.
Stefany tutup, ýokary mejlise alyp gel-
diler. 13Olar galp şaýatlary getirdiler.
Galp şaýatlar: «Bu adam yzyny üzmän
bu mukaddes ybadathana we Mukaddes
Kanuna garşy gepleýär. 14Onuň aýdy-
şyna görä, nasyraly Isa bu mukaddes
ybadathanany ýok etjekmiş, Musanyň
bize beren urp-adatlaryny hem üýt-
getjekmiş» diýdiler. 15Ýokary mejlisde
oturanlar Stefana dikanlap seretdiler we
onuň ýüzüniň edil perişdäniň ýüzüne
meňzeýändigini gördüler.

## 7-nji bap

### *Stefan halka ýüzlenýär*

1Onsoň baş ruhany Stefandan: «Bu
aýyplamalar dogrumy?» diýip sorady.
2Stefan şeýle jogap berdi: «Eý, doganlar
we atalar! Meniň sözlerime gulak asyň.
Atamyz Ybraýym Haranda mesgen tut-
manka, heniz Mesopotamiýadaka oňa
şöhratly Hudaý göründi. 3Hudaý oňa:
„Öz ýurduňy, kowumdaşlaryňy taşla-da,
Meniň saňa görkezjek ülkäme git“ diý-
di. 4Şeýlelikde, Ybraýym babyllylaryň
ýurduny terk edip, Haranda ornaşdy.
Kakasy aradan çykandan soň, Hudaý
ony Harandan çykaryp, siziň häzirki
oturan ýurduňyza göçürdi. 5Hudaý bu
ýerden onuň özüne mülk bermedi, hatda
bir garyş ýer-de bermedi. Emma heniz
perzendi bolmasa-da, bu ýurdy onuň

**7:3** Gçk 12:1.

nesline mülk edip bermegi wada berdi.
6Hudaý oňa: „Seniň nesliň ýat toprakda
gelmişek hem gul bolup ýaşar, şol ýeriň
halky olary dört ýüz ýyllap ezer. 7Emma
Men seniň nesliňi gula öwren halkyň
jezasyny bererin. Şondan soň olar ol ýer-
den çykyp, bu ýerde Maňa sežde ederler“
diýdi. 8Soňra Hudaý Ybraýym bilen äht
baglaşyp, bu ähtiň nyşany hökmünde
sünneti berdi. Şeýlelikde, Ybraýymdan
Yshak doguldy, Ybraýym ony sekiz
günlükkä sünnet etdi. Yshakdan Ýakup
doguldy, ol hem sünnet edildi. Ýakupdan
hersi bir tiräni emele getiren on iki ogul
dünýä indi, olar hem sünnet edildiler.
9Olar öz doganlary Ýusuba göripçilik
edip, ony Müsüre satsalar-da, Hudaý
Ýusuby ýeke galdyrmady. 10Ol Ýusuby
ähli külpetlerden azat etdi. Hudaý oňa
görlüp-eşidilmedik akyl-paýhas berip,
ony Müsür patyşasy faraonyň huzu-
rynda merhemet tapar ýaly etdi. Faraon
ony Müsüriň we tutuş köşgüň baştuta-
ny edip belledi. 11Şol döwürde bütin
Müsür we Kengan ýurdy açlyk çekdi,
olaryň başyndan agyr gaýgy-hasrat in-
di. Ata-babalarymyz iýmit tapmadylar.

12Ýakup Müsürde galla bardygyny
eşidip, öz ogullaryny, ýagny biziň ata-
larymyzy birinji gezek ol ýere ýollady.
13Ikinji gezekde bolsa Ýusup doganla-
ryna özüni tanatdy. Şeýlelikde, faraon
Ýusubyň maşgalasy barada bildi. 14Soňra
Ýusup öz kakasyny we ähli dogan-ga-
ryndaşlaryny ýanyna çagyrdy. Olar jemi
ýetmiş bäş adamdy. 15Ýakup Müsüre
gitdi. Ýakup we onuň ogullary, ýag-
ny ata-babalarymyz şol ýerde aradan
çykdylar. 16Olaryň jesetlerini Şekeme
äkidip, Ybraýymyň Şekemde Hamo-
ryň neslinden satyn alan mazarynda
jaýladylar. 17Hudaýyň Ybraýyma be-
ren wadasynyň wagty golaýladygyça,
halkymyzyň sany hem Müsürde barha
köpelýärdi. 18Soňra Ýusup hakynda
hiç zat bilmeýän başga bir patyşa tag-
ta çykdy. 19Ol biziň halkymyza garşy
hilegärlik etdi, ata-babalarymyzy ezip,
täze doglan çagalaryny ölüme duçar
etmek üçin daşary taşlamaga mejbur
etdi. 20Şol wagt Musa eneden doguldy.
Ol Hudaýyň nazarynda juda eýjejik
çagady. Ene-atasy öýünde oňa üç aý
seretdi. 21Emma ondan soň ony taşla-
maga mejbur boldular. Taşlanan çagany
faraonyň gyzy tapyp, özüne aldy we öz
ogly ýaly terbiýeläp ýetişdirdi. 22Musa
müsürlileriň ähli bilimi öwredildi. Ol
sözde hem, işde hem beýik adam bo-
lup ýetişdi.

23Musa kyrk ýaşyna ýetende, öz il-
deşleri bolan ysraýyl halkynyň arasyna
görme-görşe gitmegi ýüregine düwdi.
24Müsürlilerden biriniň ysraýyl halkyn-
dan birine azar berýändigini görende,
Musa oňa arka durdy. Ol müsürlini öl-
dürip, ysraýyllynyň aryny aldy. 25Musa:
„Hudaý halkymy meniň üstüm bilen azat
etmekçi, halkym muňa düşüner“ diýip
pikir etdi, emma olar muňa düşünme-
diler. 26Ertesi gün Musa iki ysraýylly
adamyň dawalaşyp duranyny gördi we
ýanlaryna baryp, olary ýaraşdyrmaga
synanyşdy. Olara: „Eý, adamlar, siz do-
gan ahyry! Näme üçin biri-biriňize azar
berýärsiňiz?“ diýdi. 27Emma öz ildeşine
azar berýän adam ony itekläp: „Kim
seni bize hökümdar ýa-da kazy edip
goýdy? 28Düýnki müsürlini öldürişiň
ýaly, meni-de öldürmekçimiň?“ diýdi.
29Musa bu gepi eşidenden soň, Mid-
ýan ýurduna gaçyp gitdi we ol ýerde

**7:6-7** Gçk 15:13-14.

gelmişek bolup ýaşady. Bu ýurtda onuň
iki ogly dünýä indi.
30 Aradan kyrk ýyl geçenden soň, Sinaý
dagynyň golaýyndaky çölde ýanyp du-
ran çalynyň ortarasynda oňa bir perişde
göründi. 31 Musa ony görüp haýran galdy.
Ol bu geň hadysany ýakynrak baryp gör-
mekçi bolanda, Reb oňa şeýle seslendi:
32 „Men seniň ata-babalaryň Ybraýymyň,
Yshagyň we Ýakubyň Hudaýydyryn“.
Musa gorkusyndan titräp başlady we
seretmäge ýürek etmedi. 33 Soňra Reb
oňa: „Aýagyňdaky çarygyňy çykar,
çünki seniň bu duran ýeriň mukad-
des toprakdyr! 34 Müsürde halkymyň
çekýän jebir-sütemini gördüm, olaryň
ahy-nalasyny eşitdim. Men olary azat
etmek üçin aşak indim. Indi, gel, Men
seni Müsüre ibereýin“ diýdi.
35 Ine, bu Musa: „Kim seni bize hö-
kümdar ýa-da kazy edip goýdy?“ diýip,
halkyň inkär eden Musasydy. Hudaýyň
Özi ony çalyda görnen perişdäniň üsti
bilen hökümdar hem halasgär edip ýol-
lady. 36 Musa ysraýyl halkyny Müsürden
alyp çykdy. Ol Müsürde, Gyzyl deňizde
we çölde kyrk ýyllap mugjyzalar, gud-
ratlar hem alamatlar görkezdi. 37 Ine,
ysraýyl halkyna: „Hudaý siziň üçin öz
halkyňyzyň arasyndan meniň ýaly bir
pygamber çykarar“ diýip aýdan hem şu
Musadyr. 38 Çölde ysraýyl halky bilen
ýaşan hem şu Musadyr, Sinaý dagynda
perişde bilen gepleşip, ata-babalarymyz
bilen bile bolan hem şoldur. Ol ýaşaýyş
sözlerini kabul edip, olary bize ýetirdi.
39 Emma biziň ata-babalarymyz oňa
boýun bolmakdan ýüz öwrüp, ony ret
etdiler we Müsüre dolanmaga maýyl
boldular. 40 Olar Haruna: „Öňbaşçylyk
eder ýaly, bize hudaýlar ýasap ber, sebä-
bi bizi Müsürden çykaryp getiren Musa
näme bolanyny bilemzok“ diýdiler. 41 Şol
wagt olar göläniň şekilinde but ýasap,
oňa gurbanlyk berdiler. Olar öz elleriniň
işlerine guwanyp, şadyhorram boldu-
lar. 42 Emma Hudaý olardan ýüz öwrüp,
asman jisimlerine sežde etsinler diýip,
olary terk etdi. Pygamberler kitabynda,
ine, şeýle ýazylan:

„Eý, ysraýyl halky, kyrk ýyllap
çölde gezeniňizde,
Maňa gurbanlyklar we
sadakalar hödürlediňizmi?
43 Ýok, Molek hudaýyňyzyň
çadyryny,
Repa hudaýyňyzyň ýyldyzyny,
sežde etmek üçin öz ýasan
butlaryňyzy göterip gezdiňiz,
Şonuň üçin sizi Babylyň
aňyrsyna sürgün ederin“.

44 Ata-babalarymyzyň çölde äht çadyry
bardy. Çadyr edil Hudaýyň Musa buý-
ruşy ýaly, Onuň beren nusgasy boýunça
gurlandy. 45 Soňra bu çadyr nesilden-
nesle geçip, ata-babalarymyza gowuşdy.
Ýeşuwanyň ýolbaşçylygynda keseki
milletleriň ýurduny eýelänlerinde, olar
çadyry özleri bilen alyp gitdiler. Çadyr
Dawut patyşanyň günlerine çenli şol ýerde
galdy. 46 Hudaýyň nazarynda merhemet
tapan Dawut Ýakubyň Hudaýy üçin öý
gurmaga rugsat sorady. 47 Iň soňunda
Hudaýa ybadathanany Süleýman gurdy.
48 Emma Beýik Hudaý ynsan eli bilen
gurlan jaýlarda ýaşamaýar. Pygamberiň
aýdyşy ýaly, 49 Reb, olara, ine, şeýle diýdi:

„Gökler Meniň tagtym,
ýer aýagyma kürsüdir.
Maňa nähili öý gurjaksyňyz siz?!

**7:32-34** Msr 3:5-10. **7:37** Kan 18:15. **7:40** Msr 32:23. **7:42-43** Ýrm 19:13; Amo 5:25-27. **7:49-50** Işa 66:1-2.

Haýsy ýer dynçlyk mekanym
bolar?!
50 Bularyň baryny Öz elim bilen
ýaratmadymmy näme?“
51 Eý, boýnuýogynlar, diňlemek
islemeýän tekepbirler! Siz hem edil ata-
babalaryňyz ýaly, Mukaddes Ruha hemişe
garşy çykýarsyňyz. 52 Ata-babalaryňyzyň,
heý, azar bermedik pygamberi barmy?
Olar hatda Dogry Bolanyň geljegini
öňünden pygamberlik edip aýdanlary-da
öldürdiler. Siz bolsa bu dogry Ynsana
haýynlyk edip ganyna galdyňyz. 53 Siz pe-
rişdeleriň üsti bilen Hudaýyň kanunyny
alsaňyz-da, oňa tabyn bolmadyňyz».

### *Stefan daşlanyp öldürilýär*

54 Baş mejlisiň agzalary bu sözleri eşi-
denlerinde, gahar-gazaba münüp, Stefana
dişlerini gyjadylar. 55 Emma Mukaddes
Ruhdan dolan Stefan asmana seredip,
Hudaýyň şöhratyny, Hudaýyň sagynda
duran Isany gördi. 56 Stefan: «Seredíň,
men gökleriň açylanyny we Hudaýyň
sagynda duran Ynsan Ogluny görýärin»
diýdi. 57 Şonda olar gulaklaryny ýapyp,
hemmesi birden batly gygyryşyp, Ste-
fanyň üstüne topuldylar. 58 Ony şäherden
daşary çykaryp daşladylar. Stefana garşy
şaýatlar donlaryny çykaryp, Şawul atly
bir ýigidiň aýagynyň astynda goýdular.
59 Stefan öz üstüne ýagýan daşlaryň as-
tynda Hudaýa doga edip: «Ýa Rebbim Isa!
Meniň ruhumy kabul et!» diýdi. 60 Onsoň
ol dyza çöküp, batly gygyryp: «Ýa Reb!
Bu günäni olara ýükleme!» diýdi. Şu
sözleri aýdyp, ol jan berdi.

## 8-nji bap

### *Şawul imanlylary yzarlaýar*

1 Stefanyň öldürilmegini Şawul hem
oňlady.
Şol günden soň Iýerusalimdäki ýyg-
nagy yzgytsyz yzarlamaga başladylar.
Resullardan başga hemmeler Ýahudy-
ýa we Samariýa sebitlerine dargadylar.
2 Emma takwa adamlar Stefany jaýlap,
onuň üçin çuňňur ýas tutdular. 3 Şawul
bolsa ýygnagy dargatmaga başlady. Ol
öýme-öý aýlanyp, aýal-erkek diýmän,
imanlylary süýräp, zyndana dykýardy.

### *Filip Samariýada*

4 Çar ýana dargaşyp giden imanlylar
Hudaýyň Hoş Habaryny ähli ýerde wa-
gyz edýärdiler. 5 Filip-de Samariýanyň
bir şäherine baryp, olara Mesih barada
wagyz etdi. 6 Filipi diňläp, amala aşyran
gudratlaryny gören mähelle onuň aýdan-
laryna dykgat bilen gulak asdy. 7 Köp
adamlaryň içinden arwah-jynlar batly
gygyryşyp çykýardylar, köp sanly ysmaz
we oturalar şypa tapýardy. 8 Şeýlelikde,
ol şäherde uly şatlyk döredi.

### *Simun jadygöý*

9 Ine, şol şäherde öň jadygöýlik bilen
meşgullanyp, Samariýa halkyny haýran
galdyran we özüni beýik adam diýip
yglan eden Simun atly bir adam bardy.
10 Uly-kiçi hemme ony üns berip diňlärdi
we ol hakda: «Beýik gudrat diýip atlan-
dyrylýan Hudaýyň gudraty, ine, şudur»
diýýärdiler. 11 Onuň jadygöýligi köpden
bäri hemmäni haýrana goýýardy, şonuň
üçin ony dykgat bilen diňlärdiler. 12 Em-
ma Filip Hudaýyň Şalygy we Isa Mesih
baradaky Hoş Habary wagyz edende,
adamlar oňa ynandylar. Aýal-erkek diý-
män olaryň hemmesi Isanyň ady bilen
suwa çümdürildi. 13 Hatda Simun hem
iman etdi, suwa çümdürilenden soň bolsa
Filipiň ýanyndan aýrylmady. Ol Filipiň
amala aşyrýan beýik mugjyzalaryny we
gudratlaryny görüp, haýran galýardy.

[14]Resullar samariýalylaryň Hudaýyň
Hoş Habaryny kabul edendigini Iýeru-
salimde eşidip, Petrus bilen Ýohannany
olaryň ýanyna iberdiler. [15]Petrus bilen
Ýohanna ol ýere baryp, olaryň hem Mu-
kaddes Ruhy almagy üçin doga-dileg
etdiler. [16]Sebäbi Mukaddes Ruh en-
tek olaryň hiç biriniň üstüne inmändi,
olar diňe Reb Isanyň ady bilen suwa
çümdürilipdi. [17]Soňra Petrus bilen Ýo-
hanna ellerini olaryň üstüne goýdular
we olar hem Mukaddes Ruhy kabul et-
diler. [18]Resullaryň elleriniň goýulmagy
bilen Mukaddes Ruhuň berlenini gören
Simun olara pul hödür edip: [19]«Maňa-da
şu gudratdan beriň. Elimi kimiň başyna
goýsam, ol adam Mukaddes Ruhy alsyn»
diýdi. [20]Emma Petrus oňa şeýle diýdi:
«Puluň özüň bilen bile ýok bolsun! Se-
bäbi sen Hudaýyň peşgeşini satyn alaryn
öýtdüň. [21]Bu işde seniň ne paýyň, ne-de
hakyň bar, sebäbi seniň ýüregiňe düwen
niýetiň Hudaýyň nazarynda dogry däl.
[22]Indi toba edip, bu ýaman niýetiňden el
çek-de, Rebbe ýalbar, belki, ýüregiňdä-
ki bu niýetiňi bagyşlar. [23]Men seniň ajy
záherden doludygyňy we günä zynjyry
bilen baglanandygyňy görýärin».

[24]Simun oňa: «Meniň üçin Rebbe doga
ediň, aýdanlaryňyzyň hiç birine duçar
bolmaýyn!» diýdi.

[25]Petrus bilen Ýohanna şaýatlyk edip,
Rebbiň Hoş Habaryny wagyz etdiler.
Soňra olar Samariýanyň köp obasynda
Hoş Habary yglan edip, Iýerusalime
dolanyp geldiler.

### *Filip we efiopiýaly*

[26]Rebbiň bir perişdesi Filipe: «Tur,
günorta tarap, Iýerusalimden Gaza
barýan çöllük ýoldan git» diýdi. [27]Ol
hem turup, ýola düşdi. Gidip bar-
ýarka, efiopiýaly bir agta duşdy. Ol
Efiopiýanyň melikesi Kandakynyň baş
wezirleriniň biridi we onuň tutuş gaz-
nasyny dolandyrýardy. Ol Iýerusalime
ybadat etmäge gelip, [28]indi hem yzyna
dolanyp barýardy. Ol öz arabasynyň
üstünde Işaýa pygamberiň kitabyny
okap otyrdy. [29]Mukaddes Ruh Filipe:
«Bar, arabanyň ýanyndan ýöre!» diýdi.
[30]Filip ylgady-da, onuň Işaýa pygambe-
riň kitabyndan okaýan sözlerini eşidip:
«Okaýan zatlaryňa düşünýärmiň?» diýip
sorady. [31]Ol: «Biri düşündirmese, nädip
düşüneýin?» diýdi. Onsoň Filipi araba
münüp, ýanynda oturmaga çagyrdy.
[32]Onuň Mukaddes Ýazgylardan okap
oturan ýeri, ine, şudy:

«Soýulmaga äkidilip barýan
goýun dek,
gyrkymçynyň öňündäki sessiz
guzy dek,
Ol hiç agzyny açmady.
[33] Ol kemsidilip, adalatsyzlyk bilen
äkidildi.
Onuň nesli hakda kim aýdyp
biljek?
Çünki Onuň ömür tanapy
üzüldi».

[34]Efiopiýaly Filipden: «Aýtsaňyzlaň,
pygamber muny kim hakda aýdýar? Özi
hakdamy ýa-da başga biri hakda?» diýip
sorady. [35]Onsoň Filip düşündirmäge baş-
lady, Mukaddes Ýazgylaryň şu ýerdäki
parçasyndan başlap, Isa hakdaky Hoş
Habary oňa wagyz etdi. [36]Olar ýolda bar-
ýarka, bir suwly ýeriň üstünden geldiler.
Agta: «Ine, bu ýerde suw bar. Meniň
çümdürilmegime näme päsgel berýär?»

**8:32-33** Işa 53:7-8.

diýdi. [a] 38 Onsoň arabany saklatdy. Filip
bilen agta bilelikde suwa girdiler. Fi-
lip ony suwa çümdürdi. 39 Olar suwdan
çykanlarynda, birdenkä Rebbiň Ruhy
Filipi ol ýerden äkitdi. Agta ony gaýdyp
görmedi. Ol şatlanyp, öz ýoluny dowam
etdirdi. 40 Filip bolsa Aşdotda peýda
boldy. Ol Kaýsariýa baryp ýetýänçä,
ähli şäherlerde Hoş Habary wagyz etdi.

## 9-njy bap

### *Isa Şawula görünýär*

1 Şawul Rebbiň şägirtlerine henizem
ölüm howpuny salýardy. Bir gün ol baş
ruhanynyň ýanyna gidip, 2 ondan Da-
maskdaky sinagogalar üçin hat ýazyp
bermegini haýyş etdi. Ol ýerde «Isanyň
Ýoly» diýen topara degişli adamlary aýal-
-erkek diýmän, kimi tapsa, el-aýagyny
baglap, Iýerusalime getirmäge rugsat
sorady. 3 Ol Damaska ýetip barýarka,
birdenkä asmandan bir parlak nur onuň
daş-töweregini ýagtyltdy. 4 Şawul ýere
ýykyldy. Şonda ol: «Şawul! Şawul! Näme
üçin Maňa azar berýärsiň?» diýen sesi eşit-
di. 5-6 Ol: «Agam, sen kim?» diýip sorady.
Oňa: «Men seniň azar berýän Isaň. [b] Indi
tur-da, şähere git, näme etmelidigiň saňa
şol ýerde aýdylar» diýdi. 7 Şawul bilen
barýan adamlar duran ýerlerinde doňup
galdylar. Olar sesi eşitseler-de, hiç kimi
görmeýärdiler. 8 Ýerinden turup, Şawul
gözüni açanda, hiç zat görüp bilmedi. Ony
elinden tutup, Damaska idip getirdiler.
9 Üç günläp onuň gözleri görmedi, şol
wagtyň dowamynda ol hiç zat iýip-içmedi.

10 Damaskda Isanyň Hanany atly bir
şägirdi bardy. Reb Isa oňa görnüp: «Eý,
Hanany!» diýdi. Ol hem: «Lepbeý, Reb-
bim!» diýip jogap berdi. 11 Reb Isa oňa
şeýle diýdi: «Tur, Dogry atly köçä bar-da,
Ýudasyň öýünden tarsusly Şawul diýen
adamy sora. Häzir ol doga-dileg edýär.
12 Şawula bir görnüş aýan boldy. Görnüş-
de ol ýanyna Hanany diýen bir adamyň
gelip, gözleriniň açylmagy üçin, üstüne
ellerini goýandygyny gördi».
13 Hanany şeýle jogap berdi: «Ýa Reb-
bim Isa! Men köp kişilerden bu adamyň
Iýerusalimde Seniň saýlap-seçenleriňe
eden ençeme ýamanlyklary barada eşit-
dim. 14 Seniň yzyňa eýeren her bir adamy
tussag etmäge onuň bu ýerde-de ýolbaşçy
ruhanylardan ygtyýar haty bar». 15 Reb
Isa oňa: «Bar, ýola düş! Bu adam Meniň
saýlan guralymdyr. Ol keseki milletleriň,
patyşalaryň we ysraýyl halkynyň öňünde
Meniň adymy meşhur eder. 16 Meniň adym
ugrunda nähili azap çekmelidigini Men
oňa görkezerin» diýdi. 17 Şeýlelikde, Ha-
nany baryp, şol öýe girdi, ellerini Şawulyň
üstünde goýup: «Şawul dogan! Gözleriň
ýene açylyp, Mukaddes Ruhdan dolma-
gyň üçin, meni bu ýere gelýärkäň, saňa
görnen Rebbimiz Isa iberdi» diýdi. 18 Şol
pursatda gözlerinden perde syrylan dek,
Şawulyň gözleri açyldy. Ol ýerinden turup,
Isanyň ady bilen suwa çümdürildi. 19 Soň-
ra naharlanyp, gaýtadan kuwwatlandy.

### *Şawul Damaskda wagyz edýär*

Şawul birnäçe günläp Damaskda şä-
girtleriň ýanynda galdy. 20 Ol dessine

---

[a] **8:36** Käbir golýazmalarda 37-nji aýat duş gelýär: *Filip oňa: «Bütin ýüregiň bilen iman edýän bolsaň, muňa rugsatdyr» diýdi. Ol: «Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygyna iman edýärin» diýdi.*

[b] **9:5-6** Käbir golýazmalarda *«Çişe depmek saňa kyndyr». Şawul titräp, aljyrap: «Ýa Reb, meniň näme etmegimi isleýärsiň?» diýip sorady* diýen sözler hem bar.

sinagogalara baryp, Isanyň Hudaýyň Og-
ludygy [a] barada wagyz etmäge başlady.
21 Muny eşidenleriň bary geň galyp: «Bu
adam Iýerusalimde Isanyň yzyna eýeren-
lere azar beren adam dälmi? Ol bu ýere
hem olaryň el-aýagyny daňyp, ýolbaşçy
ruhanylaryň ýanyna äkitmäge gelmän-
midi näme?!» diýişýärdiler. 22 Şawulyň
erk-ygtyýary bolsa gün-günden güýçlen-
ýärdi. Ol Isanyň Mesihdigini subut etmek
bilen, Damaskda ýaşaýan ýahudylaryň
başyny çaşyrdy.
23 Ençeme günden soň, ýahudylar ony
öldürmegiň maslahatyny etdiler. 24 Ýöne
olaryň dildüwşügi Şawula belli boldy.
Olar ony öldürmek üçin gije-gündiz
şäher derwezelerini garawullaýardylar.
25 Şägirtler bolsa gijäniň bir wagty ony
sebediň içine salyp, şäheriň diwaryndan
sallap düşürdiler.

### *Şawul Iýerusalimde wagyz edýär*

26 Şawul Iýerusalime gelip, şägirtlere
goşulmaga synanyşdy, emma şägirtleriň
hemmesi ondan gorkýardy. Şawulyň
Isanyň şägirdidigine ynanmadylar. 27 On-
soň Barnap Şawuly alyp, resullaryň
ýanyna getirdi. Ol Şawulyň ýolda Rebbi
görendigini, Rebbiň onuň bilen geple-
şendigini, Damaskda Isanyň ady bilen
hiç bir gorkusyz wagyz edendigini olara
gürrüň berdi. 28 Şeýlelikde, Şawul olaryň
ýanynda galdy we Iýerusalimiň ähli ýe-
rinde Isanyň ady bilen batyrgaý wagyz
etdi. 29 Ol grekçe gepleýän ýahudylar bi-
len söhbet edip, olar bilen jedelleşýärdi.
Onsoň olar Şawuly öldürmegiň kastyna
çykdylar. 30 Doganlar muny bilenlerinde,
ony Kaýsariýa getirip, Tarsusa tarap
ýola saldylar. 31 Bütin Ýahudyýadaky,
Jeliledäki we Samariýadaky ýygnaklar-
da parahatlyk höküm sürüp, imanlylar
barha güýçlenýärdi. Olar Rebden gor-
kup, Mukaddes Ruhuň ýardamy bilen
günsaýyn köpelýärdi.

### *Eneý we Dorkas*

32 Ähli ýerlere aýlanyp ýören Petrus
Lidadaky imanlylary hem görmäge geldi.
33 Ol ýerde Petrus Eneý atly bir adama
sataşdy. Eneý sekiz ýyl bäri düşekde ys-
maz bolup ýatyrdy. 34 Petrus oňa: «Eneý,
Isa Mesih saňa şypa berýär. Ýeriňden
tur-da, ýorgan-düşegiňi ýygna!» diýdi.
Ol hem şobada ýerinden turdy. 35 Lidada
we Şaron düzlüginde ýaşaýanlaryň hem-
mesi Eneýi görüp, Rebbi iman etdiler.
36 Ýafoda Tawita atly bir zenan şägirt
bardy. Onuň grekçe ady Dorkasdy [b]. Mu-
nuň eden ýagşy işleri, beren sadakalary
gaty köpdi. 37 Şol günlerde ol keselläp,
aradan çykdy. Onuň jesedini ýuwup, ýo-
karky gatdaky otagda goýdular. 38 Lida
şäheri Ýafo şäherine golaýdy. Şägirtler
Petrusyň Lidadadygyny eşidip, onuň
ýanyna iki adamy ýolladylar we: «Gijik-
dirmän, biziň ýanymyza gel» diýip haýyş
etdiler. 39 Petrus turup, olar bilen gitdi. Ol
öýe gelende, ony ýokary gatdaky otaga
çykardylar. Ähli dul aýallar Petrusyň
ýanyna ýygnanyp, Tawita dirikä özle-
rine tiken ähli donlarydyr köýneklerini
görkezip aglaşdylar. 40 Petrus hemmäni
daşary çykardy we dyza çöküp, Hudaýa
doga etdi. Soňra ol jesede tarap öwrülip:
«Tawita, tur!» diýdi. Aýal gözlerini açdy,

---

[a] **9:20** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

[b] **9:36** ***Tawita… Dorkas*** – Tawita arameýçe, Dorkas grekçe bolup, bularyň ikisi hem *jeren* diýmegi aňladýar.

Petrusy görüp, dik oturdy. 41 Petrus elini
uzadyp, oňa turmaga kömek etdi. Onsoň
imanly dul aýallary we beýleki iman-
lylary çagyryp, ýaňky aýaly olara diri
tabşyrdy. 42 Bu habar bütin Ýafo ýaýrap,
köp adam Reb Isa iman etdi. 43 Petrus
ençeme günläp Ýafoda, Simun atly bir
deri eýleýjiniňkide galdy.

## 10-njy bap

### *Ýüzbaşy iman edýär*

1 Kaýsariýada Korneliý atly bir adam
bardy. Ol «Italiýa» atly rim goşun bölü-
miniň ýüzbaşysydy. 2 Korneliý hudaýhon
adam bolup, özi hem, öý-içersi hem Reb-
be sežde edýärdi. Ol halkyň arasyndaky
mätäçlere köp kömek edip, elmydama
Hudaýa doga ederdi. 3 Bir gün öýlän
sagat üçlerde Kornelä bir görnüş aýan
bolup, öz ýanyna Hudaýyň bir perişde-
siniň gelenini aýdyň gördi. Perişde: «Eý,
Korneliý!» diýip seslendi. 4 Korneliý
gorky içinde gözlerini oňa dikip: «Gu-
lak asýan!» diýdi. Perişde oňa: «Seniň
Hudaýa eden dogalaryň, garyplara paý-
lan sadakalaryň Onuň nazarynda kabul
boldy. 5 Indi Ýafo birnäçe adam ýolla-da,
Petrus lakamly Simuny getirt. 6 Bu adam
deňziň ýakasynda ýaşaýan Simun diýen
deri eýleýjiniň myhmanydyr» diýdi.

7 Özi bilen gepleşen perişde gidenden
soň, Korneliý hyzmatkärlerinden ikisini
we hemişe ýanynda bolýan bir takwa
esgeri çagyrdy. 8 Bolup geçen ähli zady
gürrüň berip, olary Ýafo ýollady.

### *Petrus görnüş görýär*

9 Ertesi gün olar ýol ýöräp, şähere go-
laýlanlarynda, günortan on iki töweregi
Petrus Hudaýa doga etmek üçin üçege
çykypdy. 10 Ol ajykdy we bir zatlar iýe-
si geldi. Nahar taýýarlanýarka, oňa bir
görnüş aýan boldy. 11 Ol gögüň açylyp,
ullakan saçaga meňzeş bir zadyň dört
burçundan aşak ýere sallanyp gelýänini
gördi. 12 Onuň içinde ýer ýüzünde ýa-
şaýan her dürli dört aýakly haýwanlar,
süýrenijiler we guşlar bardy. 13 Bir ses
oňa: «Petrus! Tur, damaklaryny çal-da,
iý!» diýdi. 14 Petrus: «Ýok, Rebbim! Ýahu-
dy kanunyna görä, men hiç haçan haram
zat iýen däldirin» diýdi. 15 Ses ýene ikinji
gezek oňa: «Hudaýyň halal diýen zatla-
ryna sen haram diýmegin» diýdi. 16 Bu
üç gezek gaýtalandy-da, saçak göz-açyp
ýumasy salymda göge alyndy.

17 Petrus bu görnüşiň nämedigine geň
galyp durka, ine, Korneliniň ýollan
adamlary Simunyň öýüni sorap, gapa
geldiler. 18 Olar gygyryp: «Petrus lakam-
ly Simun diýen myhman şu ýerdemi?»
diýip soradylar. 19 Petrus henizem bu
görnüş barada oýlanyp otyrka, Mukad-
des Ruh oňa: «Ine, üç adam seni gözläp
ýör. 20 Tur, aşak düş, ikirjiňlenme-de,
olar bilen git. Olary Men ýolladym»
diýdi. 21 Petrus adamlaryň ýanyna gelip:
«Gözleýän adamyňyz men. Näme üçin
geldiňiz?» diýdi. 22 Olar: «Bizi ýüzba-
şy Korneliý iberdi. Ol dogry we Rebbe
sežde edýän adam, ýahudy halkynyň
arasynda hem onuň abraýy uludyr. Hu-
daýyň bir perişdesi oňa: „Petrusy öýüňe
çagyryp, onuň aýtjak sözlerini diňle“
diýip buýruk beripdir» diýdiler. 23 Petrus
olary öýe çagyryp myhman aldy.

### *Petrus Korneliniň öýünde*

Şol günüň ertesi Petrus olar bilen ýola
düşdi. Ýafoly doganlaryň-da käbiri onuň
bilen gitdi. 24 Ertesi gün olar Kaýsariýa
bardylar. Korneliý hem dogan-garyndaş-
laryny, ýakyn dostlaryny üýşürip, olara
garaşyp otyrdy. 25 Petrus öýe girende, Kor-
neliý onuň öňünden çykdy-da, aýagyna

ýykylyp, oňa tagzym etdi. 26 Emma Pet-
rus oňa: «Tur ýeriňden! Men hem seniň
ýaly bir ynsan» diýdi. 27 Petrus onuň bilen
gürrüňleşip, içeri girende, köp adamlaryň
ýygnanandygyny gördi. 28 Petrus olara:
«Bir ýahudynyň başga milletden bolan
biri bilen gatnaşmagynyň ýa-da onuň
ýanyna gitmeginiň biziň kanunymyza
garşydygyny özüňiz bilýänsiňiz. Emma
Hudaý maňa hiç bir adama haram diýme-
li däldigimi aýan etdi. 29 Şonuň üçin hem
çagyrylanymda, ikirjiňlenmän gaýtdym.
Indi meni näme üçin çagyrandygyňyzy
sorap bilerinmi?» diýdi.

30 Korneliý şeýle jogap berdi: «Üç gün
mundan ozal şu wagtlar agzym beklidi.
Öýlän sagat üçlerde öýümde Hudaýa
doga-dileg edýärdim. Ine, birdenkä gar-
şymda lowurdaýan eşikde bir adam
peýda boldy. Ol maňa: 31 „Seniň Hudaýa
eden dogalaryň, garyplara paýlan sada-
kalaryň Onuň nazarynda kabul boldy.
32 Indi Ýafo adam ýolla-da, Petrus lakamly
Simuny çagyrt. Bu adam deňziň ýakasyn-
da ýaşaýan Simun diýen deri eýleýjiniň
myhmanydyr[a]“ diýdi. 33 Şeýlelikde, men
dessine saňa adam ýolladym, sen-de ge-
lip ýagşy etdiň. Ine, hemmämiz Hudaýyň
saňa aýtmagy buýran ähli zadyny eşitmek
üçin, Onuň huzuryna toplandyk».

34 Şonda Petrus söze başlap, şeýle diý-
di: «Men, hakykatdan-da, Hudaýyň
hiç kime tarapgöýlik etmeýändigine
göz ýetirdim. 35 Gaýtam, Ol Özünden
gorkany we dogry iş eden her kesi
milletine garamazdan kabul edýän-
dir. 36 Hudaý ysraýyl halkyna iberen
bu parahatlyk Hoş Habaryny hem-
meleriň Rebbi bolan Isa Mesih arkaly
yglan etdi. 37 Ýahýa suwa çümdüriliş
barada wagyz etmäge başlandan soňra,
Jelileden başlap, bütin Ýahudyýada bolan
wakalardan habaryňyz bardyr. 38 Hu-
daýyň nasyraly Isany Mukaddes Ruh
we güýç-gudrat bilen dolduryp, Ony
saýlap-seçendigini bilýänsiňiz. Isa çar
tarapa aýlanyp, köp ýagşy işler etdi,
iblisiň hökmürowanlygyndan ejir çek-
ýänleriň baryna şypa berdi, sebäbi Hudaý
Onuň bilendi. 39 Biz Onuň Ýahudyýada,
Iýerusalimde bitiren işleriniň baryna
şaýatdyrys. Ony haça çüýläp öldürdiler,
40 emma Hudaý üçülenji gün Isany direlt-
di. 41 Ol Isany hemmelere däl-de, diňe
bize görner ýaly etdi. Sebäbi Hudaý bizi
Isa hakda şaýatlyk etmegimiz üçin saý-
lady. Ol direlenden soň, biz Onuň bilen
bile naharlandyk. 42 Isa Özüniň Hudaýyň
yradasy bilen dirileriň hem, ölüleriň
hem Kazysydygyny halka wagyz edip,
şaýatlyk etmegimizi buýurdy. 43 Ähli
pygamberler hem Isa hakda şaýatlyk
etdiler. Isa iman eden her bir adamyň
günäleriniň Onuň adynyň hatyrasyna
bagyşlanjakdygyny aýtdylar».

44 Petrus bu sözleri heniz aýdyp durka,
ony diňleýänleriň hemmesiniň üstüne
Mukaddes Ruh indi. 45 Petrus bilen bi-
le gelen ýahudy imanlylar Mukaddes
Ruhuň peşgeşiniň keseki milletleriň
üstüne-de inenini görüp geň galdylar,
46 sebäbi olaryň nämälim dillerde gep-
läp, Hudaýy öwgi bilen beýgeldişlerini
gördüler.

Şonda Petrus: 47 «Edil biziň ýaly, bu
adamlar hem Mukaddes Ruhy kabul et-
diler. Indi bulary suwa çümdürilmegini
kim gadagan edip biler?» diýdi. 48 Onsoň
Petrus olaryň Isa Mesihiň ady bilen su-
wa çümdürilmegini buýurdy. Soňra olar
Petrusdan ýene birnäçe gün ýanlarynda
galmagyny haýyş etdiler.

[a] **10:32** Käbir golýazmalarda *Ol gelip, saňa bir söz aýdar* diýen jümle hem bar.

## 11-nji bap

### *Petrus bolan wakalar barada gürrüň berýär*

1Resullar we ýahudyýaly doganlar
keseki milletleriň-de Hudaýyň Hoş
Habaryny kabul edendiklerini eşitdi-
ler. 2Petrus Iýerusalime gelende, ýahudy
imanlylar onuň bilen dawalaşyp: 3«Sen
sünnetsiz adamlaryňka myhman bo-
lupsyň, olar bilen bile naharlanypsyň»
diýdiler. 4Şonda Petrus başyndan geçen
wakany jikme-jik gürrüň bermäge başla-
dy: 5«Ýafo şäherinde Hudaýa doga edip
otyrkam, maňa bir görnüş aýan boldy.
Men ýanyma uly saçaga meňzeş bir
zadyň dört burçundan asylyp, gökden
ýere inenini gördüm. 6Onuň içine dykgat
bilen seredip synlanymda, öý haýwan-
laryndan başlap, ýabany hem süýreniji
haýwanlardyr guşlary gördüm. 7Soňra
bir sesiň maňa: „Petrus, tur, damaklary-
ny çal-da, iý!“ diýenini eşitdim. 8Men:
„Ýok, ýa Reb, asla beýtmerin! Men hiç
haçan haram zatlary agzyma degren
däldirin“ diýdim. 9Emma gökden gelen
ses ikinji gezek maňa: „Hudaýyň halal
diýen zatlaryna haram diýmegin!“ diý-
di. 10Bu üç gezek gaýtalanyp, hemmesi
ýene ýokary göge alyndy. 11Ine, şol wagt
Kaýsariýadan iberilen üç adam meniň
bolýan öýümiň öňüne gelip durdular.
12Onsoň Mukaddes Ruh maňa ikirjiň-
lenmän, olar bilen gitmelidigimi aýtdy.
Ýanymdaky bu alty dogan hem meniň
bilen bile gitdi, biz ol adamyň öýüne
bardyk. 13Ol adam hem bize öýünde
özüne görnen perişde barada gürrüň
berdi. Perişde oňa: „Ýafo adam ýolla-da,
Petrus lakamly Simuny getirt. 14Onuň
saňa aýtjak habary arkaly özüň we tutuş
öý-içeriň halas bolar“ diýipdir. 15Men
söze başlanymda, Mukaddes Ruh öň
biziň üstümize inişi ýaly, olaryň üstü-
ne hem indi. 16Şonda Rebbimiz Isanyň:
„Ýahýa suwa çümdürdi, emma siz Mu-
kaddes Ruha çümdürilersiňiz“ diýen sözi
ýadyma düşdi. 17Şeýlelikde, Rebbimiz
Isa Mesihe iman edenimizde, Hudaý
bize beren peşgeşini olara hem beren
bolsa, Hudaýa garşy durar ýaly, men
kim bolupdyryn?» 18Doganlar bu sözleri
eşidenlerinden soňra köşeşdiler. Hudaýy
şöhratlandyryp: «Hudaý hatda keseki
milletlere-de toba edip, baky ýaşaýşa
gowuşmaklygy beripdir» diýişdiler.

### *Antiýohdaky imanlylar*

19Stefan öldürilenden soň başlanan
yzarlanmalar zerarly imanlylar Finiki-
ýa, Kipre we Antiýoha çenli dargadylar.
Olar Hoş Habary ýahudylardan başga hiç
kime wagyz etmeýärdiler. 20Olaryň ara-
synda Kiprden we Kirineýden Antiýoha
gelen käbir imanlylar bardy. Olar Reb Isa
baradaky Hoş Habary ol ýerdäki başga
milletlere-de wagyz etdiler. 21Olarda
Rebbiň gudraty bardy, şonuň üçin köp
adamlar imana gelip, Rebbi kabul etdiler.
22Bu hakdaky habarlar Iýerusalimdä-
ki ýygnaga baryp ýetdi. Olar Barnaby
Antiýoha ýolladylar. 23Barnap gelende,
Hudaýyň merhemetiniň subutnamasyny
görüp şat boldy. Ol Rebbe çyn ýürek-
den sadyk bolmagy hemmelere ündedi.
24Onuň Mukaddes Ruhdan we imandan
doly bir ýagşyzada adamdygy üçin, ju-
da köp adam Rebbe iman etdi. 25Onsoň
Barnap Şawuly gözläp, Tarsusa gitdi.
26Ony tapyp, Antiýoha getirdi. Şeýdip,
Barnap bilen Şawul bir ýyllap ol ýerdäki
ýygnaklary bir ýere toplap, köp adamlara
taglymat öwretdiler. Şägirtlere ilkinji ge-
zek Antiýoh şäherinde «mesihiler» diýlip
at berildi. 27Şol günlerde Iýerusalimden

Antiýoha birnäçe pygamberler geldiler.
28 Olardan biriniň ady Agapdy. Ol ýerin-
den turup, Rim imperiýasynda ýowuz
açlygyň boljakdygy barada Mukaddes
Ruh arkaly welilik etdi. Bu açlyk impe-
rator Klawdiniň dolandyrýan döwründe
bolup geçdi. 29 Şonda şägirtleriň ählisi
güýçleriniň ýetdiginden ýahudyýaly
doganlara goldaw üçin pul ýollamagy
karar etdiler. 30 Olar şeýle hem etdiler,
puly Barnap we Şawul arkaly ýygnak
ýolbaşçylaryna iberdiler.

## 12-nji bap

### *Hirod patyşa resullary yzarlaýar*

1 Şol wagtlar Hirod patyşa ýygnagyň
käbir agzalaryny yzarlap, olara sütem
etmäge başlady. 2 Ol Ýohannanyň dogany
Ýakuby gylyç bilen öldürtdi. 3 Ol munuň
ýahudylaryň göwnünden turandygyny
görüp, soňra Petrusy-da tussag etdi. Bu
waka Petir baýramy günlerinde bolup
geçdi. 4 Hirod Petrusy tutup, zyndana
salandan soň, her biri dört esgerden yba-
rat bolan dört topary oňa garawul goýdy.
Ony baýramdan soňra halkyň öňüne
çykaryp, höküm etmek niýeti bardy.

### *Petrus zyndandan çykýar*

5 Şeýlelikde, Petrus zyndanda saklan-
ýardy, emma ýygnak onuň üçin Hudaýa
yhlas bilen doga edýärdi. 6 Hirodyň ony
orta çykarjak gününiň öň ýanyndaky
gije Petrus iki esgeriň arasynda goşa
zynjyr bilen bagly ýatyrdy. Garawul-
lar-da zyndanyň girelgesinde gapynyň
agzynda sakçylyk edýärdiler. 7 Birdenkä
Rebbiň perişdesi peýda bolup, zyndanyň
içinde nur parlady. Perişde Petrusyň
böwrüne dürtüp, ony oýardy-da: «Tiz
bol, tur!» diýdi. Şobada Petrusyň zynjyr-
lary üzülip, elinden ýere gaçdy. 8 Perişde
oňa: «Guşagyňy guşan-da, çaryklaryňy
geý!» diýdi. Ol şeýle hem etdi. Periş-
de ýene-de: «Donuňy geý-de, meniň
yzyma düş!» diýdi. 9 Petrus onuň yzyna
düşüp, zyndandan daşary çykdy. Emma
ol perişde arkaly bu bolýan zatlaryň
hakykatdygyny bilmän, gözüne görün-
ýändir öýdýärdi. 10 Olar birinji, ikinji
garawullardan geçip, şähere çykýan de-
mir derwezä ýetenlerinde, ol öz-özünden
açyldy. Olar daşary çykyp, bir köçäniň
boýy bilen ýörediler. Birdenkä perişde
Petrusyň ýanyndan gaýyp boldy.
11 Şol wagt Petrus özüne gelip: «Indi,
hakykatdanam, Rebbiň Öz perişdesini
ýollap, meni Hirodyň elinden we ýahudy
halkynyň başymdan inderjek bela-be-
terlerinden halas edendigine anyk göz
ýetirdim» diýdi.
12 Petrus muňa akyl ýetirenden soň,
Ýohannanyň ejesi Merýemiň öýüne gitdi.
Ýohanna Mark hem diýýärdiler. Ol ýerde
köp adam üýşüp, Hudaýa doga edýärdi.
13 Petrus howlynyň gapysyny kakanda,
gapyny Roda atly bir hyzmatkär gyz
açmaga geldi. 14 Ol Petrusyň sesini tanap,
gapyny açmaga derek begenjinden ýaňa
içeri ylgap, howlynyň gapysynda Petru-
syň durandygyny habar berdi. 15 Olar oňa:
«Sen akylyňdan azaşypsyň» diýdiler.
Emma gyz öz diýenini tutup duransoň,
olar: «Bu Petrusyň perişdesidir» öýtdü-
ler. 16 Petrus bolsa yzyny üzmän gapyny
kakýardy. Gapyny açanlarynda, ony
görüp haýran galdylar. 17 Petrus olara
eli bilen ýuwaş bolmaklaryny yşarat
etdi. Onsoň Rebbiň özüni zyndandan
nähili azat edendigini olara gürrüň ber-
di. Soňra: «Muny Ýakuba[a] we beýleki

[a] **12:17** ***Ýakup*** – bu Isanyň inisi bolmagy ahmal.

doganlara habar beriň» diýdi-de, başga
ýere çykyp gitdi.
[18]Gün doganda, esgerleriň arasynda
uly galmagal turdy. Olar biri-birin-
den: «Petrusa näme bolduka?» diýşip
soraýardylar. [19]Hirod Petrusy agtardy.
Emma ony tapmansoň, garawullary
soraga çekip, olary öldürmegi buýurdy.

### *Hirod patyşanyň ölümi*

Şondan soň Hirod Ýahudyýadan Kaý-
sariýa gidip, şol ýerde galdy. [20]Hirod Sur
we Sidon halkyna gaty gazaplanýar-
dy. Olar hem birleşip, Hirodyň ýanyna
geldiler-de, patyşanyň baş hyzmatkäri
Blastosy öz taraplaryna çekip, ýaraşyk
dilediler. Sebäbi olaryň ýurdy paty-
şanyň ýurdundan azyk alýardy. [21]Ine,
bellenen gün Hirod patyşalyk lybasyny
geýip, tagtynda oturdy we halka ýüz-
lenip, söz sözledi. [22]Halk hem: «Bu
ynsan sesi däl-de, bir hudaýyň sesidir!»
diýip gygyryşdy. [23]Şobada Rebbiň bir
perişdesi Hirodesi jezalandyrdy, sebäbi
ol Hudaýy şöhratlandyrmandy. Şeýdip,
onuň endam-jany gurtlap öldi.
[24]Hudaýyň Hoş Habary bolsa barha
ýaýbaňlanyp, imanlylaryň sany günsa-
ýyn artýardy.
[25]Barnap bilen Şawul hem özlerine
tabşyrylan hyzmaty ýerine ýetirip, Iýe-
rusalimden yzyna dolandylar. Olar özleri
bilen bile Marky hem alyp gaýtdylar.
Markyň beýleki ady Ýohannady.

## 13-nji bap

[1]Antiýohdaky imanlylar ýygnagynda
pygamberler we mugallymlar bardy. Olar
Barnap, Garaýagyz lakamly Şimgon,
kirineýli Lukiý, hökümdar Hirod bilen
bile ösen Manahen we Şawul dagydy.
[2]Bular Rebbe ybadat edip, agyz bekle-
ýärkäler, Mukaddes Ruh: «Barnap bilen
Şawuly Maňa bagyş ediň, goý, olar Me-
niň tabşyran işimi berjaý etsinler» diýdi.
[3]Şeýlelikde, olar agyz bekläp, doga-dileg
etdiler we ellerini olaryň üstüne goýup,
Barnap bilen Şawuly ýola saldylar.

### *Şawul bilen Barnap Kipr adasynda*

[4]Mukaddes Ruh tarapyndan ýollanan
Barnap bilen Şawul Selukiýa geldiler.
Ol ýerden hem gämili Kipr adasyna
gitdiler. [5]Onsoň Salamise gelip, ýahu-
dylaryň sinagogalarynda Hudaýyň Hoş
Habaryny wagyz etdiler. Ýohanna hem
olaryň ýanynda bolup, kömek berýär-
di. [6]Olar bütin adany aýlanyp, Pafosa
geldiler. Ol ýerde Barýeşa atly bir ýa-
huda duş geldiler. Ol jadygöý we galp
pygamberdi. [7]Barýeşa şol ýeriň häkimi
Sergiý Pawul bilen gatnaşýardy. Sergiý
Pawul akylly adamdy. Ol Barnap bilen
Şawuly çagyrdyp, olardan Hudaýyň
Hoş Habaryny eşitmek isledi. [8]Emma
Barýeşa Barnap bilen Şawula garşy
çykdy. Barýeşanyň beýleki ady Eýlim
bolup, bu jadygöý diýmegi aňladýar. Ol
häkimi iman etmekden ýüz öwürtmäge
synanyşdy. [9]Şonda Mukaddes Ruhdan
dolan Şawul, ýagny Pawlus jadygöýüň
gözlerine seredip: [10]«Eý, iblis ogly! Sen
ähli dogrulygyň duşmanysyň. Seniň
ýüregiň her dürli hileden we galplykdan
doly. Rebbiň hak ýoluny ýoýmagyňy
haçan bes etjek? [11]Indi, seret, Rebbiň eli
saňa garşydyr, sen kör bolarsyň, belli
bir wagta çenli gün şöhlesini görmer-
siň» diýdi.
Şol pursadyň özünde onuň gözüni
duman örtüp, garaňkylyk gaplady. Ol
özüni itdirjek bolup, töweregini ser-
meläp, adam gözläp başlady. [12]Häkim
ýüze çykan wakany görüp, iman etdi,
sebäbi ol Reb Isa hakyndaky taglymata
haýran galdy.

### *Pawlus ýoldaşlary bilen Pisidýadaky Antiýoh şäherinde*

13 Pawlus we onuň ýoldaşlary Pafos-
dan gämä münüp, Pamfiliýadaky Perga
şäherine geldiler. Şol ýerde Ýohanna
olardan aýrylyp, Iýerusalime dolandy.
14 Olar bolsa Pergadan ýollaryny dowam
etdirip, Pisidýadaky Antiýoh şäherine
geldiler. Sabat güni sinagoga gelip, ol
ýerde oturdylar. 15 Töwrat bilen pygam-
berleriň ýazgylaryndan okalandan soň,
sinagoganyň baştutanlary: «Doganlar,
halka näme öwüt-nesihatyňyz bar bolsa
aýdyň, baş üstüne!» diýip, olary çagyrt-
dylar. 16 Şeýlelikde, Pawlus ýerinden
turup, olara eli bilen ýuwaş bolmakla-
ryny yşarat etdi. Soňra ol söze başlady:
«Eý, ysraýyllylar we Hudaýa sežde ed-
ýän keseki halklar, maňa gulak asyň!
17 Ine, ysraýyl halkynyň Hudaýy biziň
ata-babalarymyzy saýlady. Olar Müsür-
de ýaşan döwründe Hudaý olardan beýik
bir halk ýaratdy. Soňra beýik gudraty
bilen olary Müsürden alyp çykdy. 18 Kyrk
ýylyň dowamynda Hudaý olaryň çöldäki
etmişlerine çydady. 19 Kengan ýurdunda
ýaşaýan ýedi milleti gyryp, ýurtlaryny
olara miras berdi. 20 Bularyň hemmesi,
takmynan, dört ýüz elli ýyl dowam etdi.
Mundan soň Hudaý olara Şamuwel py-
gamberiň döwrüne çenli serdarlar berdi.
21 Onsoň ysraýyl halky patyşa talap etdi.
Hudaý olara Kişiň ogly Şawuly patyşa
edip berdi. Benýamin tiresinden bolan
Şawul kyrk ýyl höküm sürdi. 22 Hudaý
Şawuly tagtdan düşürenden soň bolsa,
olara Dawudy patyşa etdi we ol hakda
şaýatlyk edip: „Göwnümden turýan bir
adamy, Ýyşaýyň ogly Dawudy tapdym.
Ol Meniň ähli islegimi berjaý eder“ diýdi.
23 Şeýlelikde, Hudaý Öz beren wada-
syna görä, Dawudyň neslinden Isany
ysraýyl halkyna Halasgär edip iberdi.
24 Isa gelmezden öň bolsa Ýahýa bütin
ysraýyl halkyna toba etmegi we suwa
çümdürilmegi wagyz etdi. 25 Ýahýa özü-
ne tabşyrylan işi tamamlamazdan öň:
„Siz meni Mesih hasaplaýarsyňyzmy?
Ýok, men Mesih däl. Ol menden soňra
geler. Men Onuň çarygynyň bagyny
çözmäge-de mynasyp däldirin“ diýdi.
26 Eý, doganlar, Ybraýymyň nesilleri!
Eý, Rebbe sežde edýän keseki milletler!
Halasgärimiz baradaky bu habar bize
berildi. 27 Iýerusalimiň ilaty we olaryň
ýolbaşçylary Isany tanaman, Ony ölü-
me höküm etdiler. Şeýdip, olar öňki
pygamberleriň aýdanlaryny ýerine ýe-
tirdiler. Şeýdip, olar Sabat güni okalýan
pygamberleriň sözleri boýunça hereket
etdiler. 28 Ölüm jezasyna laýyk hiç bir
sebäp tapmasalar-da, Pilatdan Onuň
öldürilmegini talap etdiler. 29 Ol hakda
ýazylanlaryň baryny berjaý edenlerin-
den soň bolsa, Ony haçdan düşürip, bir
mazarda goýdular. 30 Emma Hudaý Ony
ölümden direltdi. 31 Ençeme günläp Isa
Özi bilen Jelileden Iýerusalime gelen-
lere göründi. Bu adamlar indi ysraýyl
halkyna Ol hakda şaýatlyk edýärler. 32-33
Biz häzir size Hoş Habary yglan edýä-
ris: Hudaý Isany ölümden direldip, Öz
perzentleri bolan biziň üçin ata-babala-
rymyza beren wadasyny berjaý etdi. Bu
hakda ikinji mezmurda şeýle ýazylan:

„Sen Meniň Oglumsyň,
bu gün Men saňa Ata boldum“.

34 Isanyň ölümden direlişi we asla çüý-
remezligi dogrusynda Hudaý şeýle
diýdi: „Dawuda wada beren mukad-
des ýalkanyşlarym bilen sizi ýalkaryn“.

---

**13:22** 1Şam 13:14; Işa 44:28. **13:32-33** Zeb 2:7. **13:34** Işa 55:3.

35 Başga bir mezmurda şeýle ýazylan:
„Sen Sadygyňyň gabyrda çüýremegine
ýol bermersiň“.

36 Dawut babatda aýtsak, ol öz wag-
tynda Hudaýyň maksady üçin hyzmat
etdi. Ol dünýäden ötüp, ata-babalarynyň
ýanynda jaýlandy; onuň jesedi çüýräp
gitdi. 37 Emma Hudaýyň Direldeni çüýre-
medi. 38-39 Şonuň üçin hem, eý, doganlar,
şuny bilip goýuň: biz size günäleriň Isa
arkaly bagyşlanýandygyny yglan edýäris.
Isa iman eden her bir adam Ol arkaly
aklanýar. Bu Musanyň kanuny boýunça
mümkin däldi. 40 Indi habardar boluň,
pygamberleriň bu aýdanlary başyňyza
gelmesin:

41 „Serediň, eý, masgaralaýjylar,
haýrana galyp, ýok boluň!
Siziň günleriňizde etjek işimi
eşideniňizde,
gulagyňyza ynanmarsyňyz“».

42 Pawlus bilen Barnap ýahudylaryň
sinagogasyndan çykyp barýarkalar, halk
indiki Sabat güni-de bu zatlar dogrusyn-
da gürrüň bermeklerini olardan haýyş
etdi. 43 Sinagogadaky halk gidenden soň,
ýahudylaryň we ýahudy dinini kabul
edenleriň köpüsi Pawlus bilen Barnabyň
yzyna düşdüler. Pawlus bilen Barnap
olara hemişe Hudaýyň merhemeti bilen
ýaşamaklaryny öwüt-nesihat etdiler.
44 Indiki Sabat güni bolsa Rebbiň Hoş Ha-
baryny diňlemek üçin tutuş şäher diýen
ýaly ýygnandy. 45 Şunça köp mähelläni
görüp, ýahudylary göriplik gurşap aldy.
Olar Pawlusyň aýdan zatlaryna garşy
çykyp, oňa sögdüler. 46 Pawlus bilen
Barnap hem batyrgaýlyk bilen şeýle
diýdiler: «Hudaýyň Hoş Habary ilki
size wagyz edilmelidi. Emma siz ony
ret etdiňiz! Bu bolsa siziň baky ýaşaýşa
mynasyp däldigiňizi subut edýär. Şonuň
üçin biz keseki milletlere ýüzlenýäris.
47 Çünki Reb bize şeýle buýruk berdi:
„Ýeriň aňry çägine çenli halas etmek
üçin, Seni milletlere nur etdim“».

48 Milletler muny eşidenlerinde şatla-
nyp, Rebbiň Hoş Habaryna uly hormat
goýdular. Şeýlelikde, baky ýaşaýyş üçin
saýlananlaryň hemmesi iman etdi.

49 Rebbiň Hoş Habary ýurduň hemme
ýerine ýaýraýardy. 50 Emma ýahudylar
şäheriň ýokary mertebeli hudaýhon aýal-
laryny we at-abraýly erkeklerini Pawlus
bilen Barnabyň garşysyna öjükdirdiler.
Şeýlelikde, olary yzarlap, öz ýurtlaryn-
dan kowup çykardylar. 51 Bu iki resul
bolsa olara garşylyk hökmünde, aýakla-
rynyň tozuny kakyp, Ikoniýa şäherine
gitdiler. 52 Antiýohdaky şägirtler bolsa
şatlykdan we Mukaddes Ruhdan doldular.

## 14-nji bap

### *Pawlus bilen Barnap Ikoniýada*

1 Pawlus bilen Barnap Ikoniýa şähe-
rinde hem adatdakysy ýaly ýahudylaryň
sinagogasyna bardylar. Ol ýerde olar
şeýle bir täsirli wagyz etdiler welin, köp
sanly ýahudylar we keseki milletler iman
etdiler. 2 Emma iman etmedik ýahudylar
keseki milletleri bu iki resulyň üstüne
küşgürip, imanlylara garşy olaryň aňyny
zäherlediler. 3 Pawlus bilen Barnap bu
ýerde uzak wagt galyp, Reb Isa hakynda
batyrgaýlyk bilen wagyz etdiler. Isa hem
olara alamatlar we mugjyzalar görkez-
mek başarnygyny berip, Öz merhemeti
baradaky habary olar arkaly tassyklady.
4 Şäheriň halky ikä bölündi; olaryň bir
bölegi ýahudylaryň, bir bölegi-de resul-
laryň tarapyna geçdi.

**13:35** Zeb 15:10. **13:41** Hab 1:5. **13:47** Işa 49:6.

5 Şundan soň ýahudylar we başga
milletler özleriniň ýolbaşçylary bilen
birlikde resullaryň üstüne topulyp,
olary daşlamakçy boldular. 6 Resullar
mundan habarly bolansoňlar, Likao-
niýanyň Listra, Derbe şäherlerine we
olaryň daş-töweregine gaçdylar. 7 Ol
ýerlerde-de Hoş Habary wagyz etdiler.

### *Pawlus bilen Barnap Listrada we Derbede*

8 Listrada aýaklary ysmaz bir adam
ýaşaýardy. Ol dogabitdi oturady we hiç
wagt ýöremändi. 9 Bu adam Pawlusyň
gürrüňini diňläp otyrdy. Pawlus hem
oňa dikanlap seredip, onuň sagaljagy-
na imanynyň bardygyny gördi. 10 Şonda
Pawlus gaty ses bilen: «Ýeriňden tur!»
diýdi. Ol hem towsup turdy-da, ýöräp
başlady. 11 Mähelle Pawlusyň eden işini
görüp, likaoniýa dilinde: «Hudaýlar yn-
san keşbinde biziň ýanymyza inipdirler!»
diýip gygyryşdylar. 12 Barnaby Zews,
Pawlusy bolsa, esasy söz sözleýänçi-
digi üçin Hermes [a] diýip atlandyrdylar.
13 Zewsiň buthanasy şäheriň daşynda
ýerleşýärdi. Zews ruhanysy boýnuna
gül çemenleri geýdirilen öküzleri şä-
her derwezeleriniň agzyna getirip, halk
bilen birlikde gurbanlyk berjek boldy.
14 Emma resullar Barnap bilen Pawlus
muny eşidip, ýakalaryny ýyrtyp, halkyň
ortasyna kürsäp girdiler. Olar batly ses
bilen: 15 «Adamlar! Näme üçin beýle
edýärsiňiz? Biz hem size meňzeş ynsan-
dyrys. Size Hoş Habar alyp geldik. Indi
bu boş zatlardan el çekiň-de, ýeri, gögi,
deňzi we olardaky ähli zady ýaradan
diri Hudaýa tarap dolanyň. 16 Geçen dö-
würde Hudaý ähli milletlere öz ýollary
boýunça ýöremäge rugsat berdi. 17 Mu-
ňa garamazdan, Ol Özüniň bardygyny
hiç haçan subutsyz goýmaýar. Serediň!
Size ýagşylyk edip, asmandan ýagyş
ýagdyrýar, möwsüminde hasyl berýär,
garnyňyzy birkemsiz doýrup, ýürekleri-
ňizi şatlykdan dolduryar» diýdiler. 18 Bu
sözler bilen olar halky özlerine gurban-
lyk hödür etmekden zordan dändirdiler. [b]
19 Emma Antiýohdan, Ikoniýadan gelen
ýahudylar halky öjükdirip, Pawlusy daş-
ladylar we ölendir öýdüp, ony şäherden
süýräp çykardylar. 20 Emma şägirtler
daşyna üýşenlerinde, Pawlus ýerinden
turup, şähere gaýtdy. Ertesi gün ol Bar-
nap bilen Derbä tarap ýola düşdi.

21 Derbede olar Hoş Habary wagyz
edip, köp şägirt topladylar. Soňra Listra,
Ikoniýa we Antiýoha dolanyp geldiler.
22 Olar şägirtleri ruhlandyrdylar we olara
imanda berk durmagy ündäp: «Huda-
ýyň Şalygyna girmegimiz üçin, biziň
köp muşakgatlary başdan geçirmegi-
miz gerek» diýýärdiler. 23 Pawlus bilen
Barnap her bir ýygnak üçin ýolbaşçylar
bellediler. Soňra doga-dileg edip, agyz
bekläp bu ýolbaşçylary özleriniň iman
eden Rebbine tabşyrdylar. 24 Onsoň Pisid-
ýanyň içinden geçip, Pamfiliýa geldiler.
25 Perga şäherinde Isa hakynda wagyz
edenlerinden soň, Attaliýa gitdiler. 26 Ol
ýerden hem olar gämili Antiýoha dola-
nyp geldiler. Pawlus bilen Barnap bu
şäherde özlerini Hudaýyň merhemetine
tabşyryp, hut şu ýerden şindi tamam-
lan işlerini amala aşyrmaga ugrapdylar.

[a] **14:12** ***Zews… Hermes*** – grekler Zewsi esasy hudaý, Hermesi bolsa hudaýlaryň ilçisi hasaplapdyrlar.

[b] **14:18** Käbir golýazmalarda *Hemmesini öz öýüne iberdiler. Resullar ol ýerde galyp, halka öwredýärdiler* diýen sözler hem bar.

[27]Antiýoha gelenlerinden soň, resullar
ýygnagy bir ýere çagyryp, olara Huda-
ýyň özleri arkaly ähli bitiren işlerini
we ýahudy dälleriň iman etmegi üçin,
Onuň açan ýoly barada gürrüň berdiler.
[28]Resullar uzak wagtlap şägirtler bilen
bile boldular.

## 15-nji bap

### *Iýerusalimdäki maslahat*

[1]Ýahudyýadan birnäçe adam Antiýo-
ha gelip, doganlara: «Musanyň adaty
boýunça sünnetlenmeseňiz, halas bo-
lup bilmersiňiz» diýip öwredýärdiler.
[2]Pawlus bilen Barnap bu adamlar bilen
köp çekeleşip jedelleşdiler. Onsoň bu
meseläni çözmek üçin, beýleki dogan-
laryň birnäçesi bilen birlikde, Pawlus
bilen Barnap Iýerusalimdäki resullaryň,
ýolbaşçylaryň ýanyna gitmeli diýen ka-
rara gelindi. [3]Imanlylar ýygnagy olary
ýola salyp ugratdy. Olar Finikiýanyň
we Samariýanyň içinden geçip, keseki
milletleriň-de Hudaýy kabul edendik-
leri barada gürrüň berdiler. Bu habar
hemme imanlylara uly şatlyk getirdi.
[4]Iýerusalime gelenlerinde bolsa, re-
sullardyr ýolbaşçylar we tutuş ýygnak
olary gyzgyn garşylady. Pawlus bilen
Barnap Hudaýyň özleri arkaly bitiren
ähli işlerini ýygnananlara gürrüň berdi-
ler. [5]Emma fariseýler toparyndan iman
edenleriň käbiri aýaga galyp: «Keseki
milletlerden bolanlary sünnetlemeli we
olara Musanyň kanunyny berjaý etmegi
tabşyrmaly» diýdiler. [6]Onsoň resullar
we ýolbaşçylar bu mesele barada mas-
lahatlaşmaga ýygnandylar. [7]Ýygnakda
gürrüň uzaga çekensoň, Petrus ýerinden
turup, olara şeýle diýdi: «Doganlar! Özü-
ňiz bilýänsiňiz, keseki milletlere Hoş
Habary wagyz etmegim üçin, ençeme
wagt mundan öň Hudaý araňyzdan meni
saýlady. Ol muny milletleriň Hoş Haba-
ry eşidip, iman etmegi üçin şeýle etdi.
[8]Her bir ynsanyň ýüregini bilýän Hudaý
bize beren Mukaddes Ruhuny keseki
milletlere hem berdi. Şu arkaly olary
kabul edendigini tassyklady. [9]Hudaý
olaryň imany arkaly ýüreklerini päk-
ledi. Şeýdip, Hudaý biziň bilen keseki
milletleriň arasyndaky parhy ýok etdi.
[10]Beýle bolsa, näme üçin ata-babalary-
myzyň we özümiziň göterip bilmedik
boýuntyrygymyzy şägirtleriň boýnuna
salýaňyz? Hudaýy synajak bolýarsyňyz-
my? [11]Ýok! Biz özümiziň hem, olaryň
hem Rebbimiz Isanyň merhemeti bilen
halas bolýandygymyza ynanýarys».

[12]Onsoň hemmeler dymyp, Pawlus
bilen Barnaby diňlediler. Olar Hudaýyň
özleri arkaly keseki milletlere görkezen
beýik alamatlaryny we mugjyzalaryny
gürrüň berdiler. [13]Olar gürrüňlerini gu-
tarandan soň, Ýakup söze başlap, şeýle
diýdi: «Doganlar, maňa gulak asyň! [14]Ine,
Simun[a] bize Hudaýyň ilki bilen keseki
milletlere nähili nazar salandygyny we
olaryň arasyndan Özüne bir halk saýlap
alandygyny düşündirip berdi. [15]Pygam-
berleriň sözleri-de bu aýdylanlar bilen
gabat gelýär. Ine, onda şeýle ýazylan:

[16]„Mundan soň Men dolanyp gelip,
Dawudyň ýykylan çadyryny
dikelderin.
Weýran bolan ýerlerini oňaryp,
ony täzeden bina ederin.

---

[a] **15:14** ***Simun*** – bu Petrusyň beýleki ady.

**15:16-18** Amo 9:11-12; Ýrm 12:15; Işa 45:21.

17 Şeýdip, aman galanlar Rebbi
agtarsyn,
Maňa degişli ähli milletler
Rebbi gözlesin.
Muny bu zatlary edýän Reb
aýdýandyr,
18 bular gadymdan mälimdir“.

19 Şonuň hem Hudaýy kabul edýän
keseki milletlere kynçylyk döretme-
li däl diýen karara geldim. 20 Gaýtam,
olara hat ýazyp, şeýle diýeliň: „Butlara
hödürlenen gurbanlyk etini iýmekden,
zynadan, damagy çalynmadyk haram
haýwanyň etinden we ganyndan daş du-
ruň“. 21 Çünki Musanyň kanuny gadym
döwürden bäri her bir şäherde wagyz
edilýär, her Sabat güni sinagogalarda
okalýar».

### *Keseki milletlerden bolan imanlylara hat*

22 Soňra resullar we ýygnagyň ýolbaş-
çylary tutuş imanlylar ýygnagy bilen
birlikde birnäçe adamy saýlap, olary
Pawlus hem-de Barnap bilen Antiýo-
ha ibermek kararyna geldiler. Olar iki
adamy: Barsaba lakamly Ýudasy we
Silasy saýladylar, olaryň ikisi-de dogan-
laryň arasynda ýolbaşçydylar. 23 Ellerine
şu haty berip, olary ugratdylar: «Siziň
doganlaryňyz bolan biz resullar we ýol-
başçylar Antiýohda, Siriýada, Kilikiýada
ýaşaýan ýahudy däl imanly doganlara
salam ýollaýarys. 24 Biziň eşidişimize gö-
rä, aramyzdan käbirleri baryp, öz sözleri
bilen sizi howsala salyp, aňyňyzy bulaş-
dyrypdyrlar. Emma olary biz ibermedik.
25 Şonuň üçin hem aramyzdan birnäçe
adamy saýlap, olary eziz dostlarymyz
Barnap we Pawlus bilen bile siziň ýany-
ňyza ýollamagy bir agyzdan karar etdik.
26 Bular Rebbimiz Isa Mesihe gulluk
etmek üçin janyny orta goýan adamlar-
dyr. 27 Şeýlelikde, biz Ýudas bilen Silasy
ýollaýarys, olar biziň ýazanlarymyzy dil
üsti bilen tassyklarlar. 28 Biz Mukaddes
Ruhuň ýolbaşçylygynda şu wajyp talap-
lardan başga hiç bir zady siziň üstüňize
ýüklemezligi makul gördük: 29 butlara
hödürlenen gurbanlyk etini iýmekden,
zynadan, damagy çalynmadyk haram
haýwanyň etinden we ganyndan daş
duruň. [a] Şulardan saklansaňyz, ýagşy
iş edersiňiz. Hoş, sag-salamat boluň».
30 Şeýlelikde, olar ýola düşdüler. An-
tiýoha gelip, imanlylary üýşürdiler-de,
haty gowşurdylar. 31 Imanlylar hatdaky
ruhlandyryjy habary okap, şat boldular.
32 Ýudas bilen Silas pygamberdiler. Olar
doganlara köp öwüt-nesihat edip, olaryň
imanyny berkitdiler. 33 Birnäçe wagt ol
ýerde bolanlaryndan soňra, doganlar
olary resullaryň ýanyna sag-salamat
ugradyp goýberdiler. [b] 35 Pawlus we
Barnap hem Antiýohda galdylar. Olar
başgalar bilen birlikde halka sapak öw-
redip, Reb Isa hakyndaky Hoş Habary
wagyz etdiler.

### *Pawlus bilen Barnap biri-birlerinden aýrylýarlar*

36 Birnäçe günden soň Pawlus Barnaba:
«Indi Rebbiň Hoş Habaryny wagyz eden
şäherlerimize dolanyp baraly, ol ýerdäki
doganlarymyzy görüp, hal-ýagdaýlaryny
soraly» diýdi. 37 Mark diýlip atlandyryl-
ýan Ýohannany-da Barnap özleri bilen

[a] **15:29** Käbir golýazmalarda *Özüňize edilmegini islemeýän zatlaryňyzy başgalara etmäň* diýen jümle hem bar.

[b] **15:33** Käbir golýazmalarda 34-nji aýat duş gelýär: *Emma Silas ol ýerde galmagy makul bildi.*

äkitmek isleýärdi. [38]Emma Pawlus özlerini Pamfiliýada terk edip, Hudaýyň hyzmatyny ahyryna çenli bile dowam etmedik Marky äkitmegi makul bilmedi. [39]Şeýlelikde, aralarynda agzalalyk döräp, olar biri-birlerinden aýryldylar. Barnap ýanyna Marky alyp, gämi bilen Kipre gitdi. [40]Pawlus bolsa Silasy saýlady, imanlylar olary Rebbiň merhemetine tabşyranlaryndan soňra, olar ýola düşdüler. [41]Olar Siriýa, Kilikiýa aýlanyp, ýygnaklary berkitdiler.

## 16-njy bap

### *Timoteos Pawlus bilen Silasa goşulýar*

[1]Pawlus Derbe we Listra şäherlerine geldi. Listrada Timoteos atly Isanyň bir şägirdi bardy. Onuň ejesi imanly ýahudydy, kakasy bolsa grekdi. [2]Listradaky we Ikoniýadaky doganlar ol barada gowy sözler aýdýardylar. [3]Pawlus Timoteosy özi bilen äkitmek isleýärdi. Şonuň üçin ony sünnet etdirdi, sebäbi ol ýerde ýaşaýan ýahudylaryň hemmesi Timoteosyň kakasynyň grekdigini bilýärdi. [4]Olar şäherleriň içinden geçip, ol ýerdäki imanlylara Iýerusalimdäki resullar we ýolbaşçylar tarapyndan kabul edilen kararlara eýermekligi tabşyrýardylar. [5]Şeýlelikde, doganlaryň imany has-da berkäp, olaryň sany günsaýyn artýardy.

### *Pawlus Makedoniýa barada görnüş görýär*

[6]Mukaddes Ruh tarapyndan Rebbiň sözüni Aziýa welaýatyna wagyz etmeklik bökdelensoň, Pawlus dagy Frikiýa we Galatýa ülkesinden geçdiler. [7]Olar Misýa serhedine gelip, Bitiniýa welaýatyna girmekçi boldular. Emma Isa Mukaddes Ruh arkaly olara rugsat bermedi. [8]Onsoň Misýanyň üsti bilen Troasa gitdiler. [9]Şol gije Pawlus bir görnüş gördi. Makedoniýaly bir adam onuň garşysynda durup: «Makedoniýa gel, bize kömek et!» diýip ýalbardy. [10]Pawlus bu görnüşi görensoň, Hudaý bizi olara Hoş Habary wagyz etmäge çagyrýar diýen netijä gelip, biz dessine Makedoniýa tarap ýola düşdük.

### *Lidiýa iman edýär*

[11]Şeýlelikde, Troasdan gämi bilen göni Samofrakiýa, ertesi hem Neapolise gitdik. [12]Ol ýerden-de Makedoniýanyň esasy welaýatynda ýerleşýän Filipi şäherine geldik. Bu şäher Rime garaşlydy. Biz birnäçe günläp ol ýerde galdyk. [13]Sabat güni biz şäherden derýa ýakasyna çykdyk. Ol ýerde ybadat edilýän ýeriň bardygyny bilýärdik. Onsoň ol ýerde ýygnanan aýallar bilen oturyp, olara gürrüň bermäge başladyk. [14]Bizi diňläp oturanlaryň arasynda Lidiýa atly bir söwdagär aýal hem bardy. Ol Tiýatira şäherinden bolup, gyrmyzy parçalar satýardy. Bu aýal Hudaýa sežde edýärdi. Pawlusyň sözlerine gulak asmak üçin, Reb onuň ýüregini açdy. [15]Lidiýa tutuş öý-içersi bilen suwa çümdürilenden soňra bizi öýüne çagyryp: «Meni Rebbe sadyk saýýan bolsaňyz, geliň-de, öýümde galyň» diýip ýalbaryp, bizi yrdy.

### *Pawlus bilen Silas tussaglykda*

[16]Bir gün ybadat edilýän ýere barýarkak, palçylyk ruhy eýelän bir hyzmatkär gyza duş geldik. Bu gyz pal atmaklyk bilen hojaýynlaryna köp pul gazanyp berýärdi. [17]Ol Pawlusyň we biziň yzymyza düşüp: «Bu adamlar Beýik Hudaýyň gullarydyr. Olar size[a] halas bolmagyň

[a] **16:17** ***Size*** – käbir golýazmalarda *bize.*

ýoluny wagyz edýärler» diýip gygyr-
ýardy. 18 Ol ençeme günläp şeýle diýip
gygyrmagyny dowam etdi. Ahyry Pawlus
bizar bolup, yzyna öwrülip, arwah-jyna:
«Isa Mesihiň adyndan buýurýaryn: bu
gyzyň içinden çyk!» diýdi. Arwah-jyn şol
pursadyň özünde gyzdan çykdy. 19 Onuň
hojaýynlary gazanç umytlarynyň elden
gidenini görüp, Pawlus bilen Silasy tutup,
bazar meýdançasyna süýräp getirdiler.
20 Olary häkimleriň öňüne getirip: «Bu
adamlar şäherimizde başagaýlyk döred-
ýärler. Özleri hem ýahudylar, 21 biz bolsa
rimliler, olar biziň kanunymyza ters gel-
ýän adatlary wagyz edýärler. Bize olaryň
adatlaryny kabul etmek ýa-da berjaý
etmek gadagandyr» diýdiler. 22 Halk hem
Pawlus bilen Silasa garşy aýaga galdy.
Şeýlelikde, häkimler esgerlere olaryň
eşiklerini sypyryp, taýaklap urmagy
buýurdylar. 23 Köp taýaklanlaryndan
soň, zyndana saldylar-da, zyndanyň
baş gözegçisine olary berk saklamagy
tabşyrdylar. 24 Ol hem şeýle buýruk alan-
soň, olary zyndanyň içki bölümine salyp,
aýaklaryna gandal baglady.

25 Ýarygije töweregi Pawlus bilen Silas
doga-dileg edip, Hudaýa öwgüli nag-
malar aýdýardylar, tussaglar hem olary
diňleýärdi. 26 Birdenkä güýçli ýertitreme
boldy, zyndanyň binýady sarsyp, ähli
gapylar birbada açyldy, hemmeleriň
zynjyry üzüldi. 27 Ukudan oýanan baş
gözegçi zyndanyň gapylarynyň açyk-
dygyny gördi. Ol tussaglar gaçandyr
öýdüp, özüni öldürjek bolup, gylyjyny
syrdy. 28 Emma Pawlus gaty ses bilen:
«Saklan! Janyňa kast etme, biziň hem-
mämiz şu ýerde!» diýip gygyrdy. 29 Baş
gözegçi çyra getirdip, içeri kürsäp girdi.
Ol sandyrap baryp, Pawlus bilen Silasyň
aýagyna ýykyldy. 30 Olary daşary çyka-
ryp: «Agalar! Men halas bolmak üçin
näme etmeli?» diýip sorady. 31 Olar hem:
«Rebbimiz Isa iman et, özüň-de, tutuş öý-
-içeriň hem halas bolar» diýdiler. 32 Soňra
olar baş gözegçä we onuň öý-içerisine
Rebbiň Hoş Habaryny wagyz etdiler.
33 Şol gijäniň özünde baş gözegçi olary
bir çete çykaryp, ýaralaryny ýuwdy.
Soňra dessine ol öý-içersindäkiler bilen
bile suwa çümdürildi. 34 Onsoň olary
öýüne salyp, öňlerine saçak ýazdy. Ol
tutuş öý-içersi bilen birlikde Hudaýa
iman edendigine begendi.

35 Ertesi daň atanda, häkimler öz gul-
lukçylaryny iberip: «Şol adamlary boşat»
diýdiler. 36 Zyndanyň baş gözegçisi hem
bu habary Pawlusa ýetirip: «Häkimler
size gidiberiň diýip habar ýollapdyrlar.
Indi siz gidip bilersiňiz. Sag-aman ba-
ryň» diýdi. 37 Emma Pawlus olara: «Rim
raýatydygymyza garamazdan, bizi hal-
kyň öňünde bikanun ýençdiler, zyndana
taşladylar. Näme üçin indi bizi ogrynça
boşadyp goýberjek bolýarlar? Bu bol-
maz! Goý, bizi zyndandan özleri gelip
çykarsynlar» diýdi. 38 Gözegçiler hem bu
sözleri häkimlere ýetirdiler. Häkimler
Pawlus bilen Silasyň Rim raýatydygyny
eşidip, gaty howsala düşdüler. 39 Hä-
kimler gelip, olardan ötünç soradylar
we zyndandan alyp çykdylar. Soňra
olara şäherden gitmeklerini haýyş et-
diler. 40 Pawlus bilen Silas zyndandan
çykyp, Lidiýanyň öýüne bardylar. Olar
bu ýerde imanlylar bilen duşuşyp, olary
ruhlandyrdylar, soňra ol ýerden gitdiler.

## 17-nji bap

### *Pawlus Salonikide wagyz edýär*

1 Pawlus bilen Silas Anfipol we Apolo-
niýa şäherleriniň içinden geçip, Salonikä
geldiler. Ol ýerde ýahudylaryň bir si-
nagogasy bardy. 2 Pawlus adatdakysy

ýaly sinagoga gitdi we üç Sabat güni
olar bilen Mukaddes Ýazgylar boýunça
gürrüň etdi. 3 Ol Mesihiň görgi görme-
giniň we soňra ölümden direlmeginiň
gerek bolandygyny düşündirip subut
etdi. Ol: «Meniň size wagyz edýän
Isam Mesihdir» diýdi. 4 Olardan käbiri
Pawlus bilen Silasa ynanyp, olara go-
şuldylar. Şeýle hem Rebbe sežde edýän
köp sanly grekler we ýokary mertebeli
ençeme aýallar olara goşuldylar. 5 Emma
ýahudylar göripçilik etdiler, olar bazar-
da bikär gezip ýören erbet adamlaryň
birnäçesini ýanlaryna toplap, şäherde
gozgalaň turuzdylar. Pawlus bilen Sila-
sy tapyp, mähelläniň öňüne çykarmak
üçin, Ýasonyň öýüne döküldiler. 6 Emma
olary tapyp bilmänsoňlar, Ýason bilen
birnäçe doganlary şäher ýolbaşçylary-
nyň öňüne süýräp getirip: «Bu adamlar
bütin dünýäde bulagaýlyk döredip, biziň
şäherimize hem geldiler. 7 Ýason olara
öýünden jaý berdi. Olaryň hemmesi
Isa diýen patyşa bar diýip, imperatoryň
permanlaryna garşy çykýarlar» diýip
gygyrdylar. 8 Halk we şäher ýolbaşçy-
lary bu habary eşidip howsala düşdüler.
9 Onsoň Ýason bilen beýlekileri jerime
tölänlerinden soň boşadyp goýberdiler.

### *Pawlus bilen Silas Beriýa şäherinde*

10 Doganlar şol gijäniň özünde Pawlus
bilen Silasy Beriýa şäherine iberdiler.
Olar şähere gelip, ýahudylaryň sinagoga-
syna bardylar. 11 Beriýadaky ýahudylaryň
gözýetimi Salonikidäki ýahudylaryňka
garanda has giňdi. Olar Isa hakyndaky
habary göwünjeňlik bilen kabul edip,
Pawlusyň aýdanlarynyň hakykatdygyny
görmek üçin, Mukaddes Ýazgylary her
gün seljerýärdiler. 12 Ýahudylaryň kö-
püsi, şeýle hem at-abraýly ençeme grek
aýallary we erkekleri Isa iman etdiler.
13 Emma Salonikidäki ýahudylar Paw-
lusyň Beriýada Hudaýyň Hoş Habaryny
wagyz edendigini bilenlerinde, ol ýere
hem gitdiler. Olar halky öjükdirip, how-
sala saldylar. 14 Şonda doganlar Pawlusy
şobada deňziň kenaryna ugratdylar. Silas
bilen Timoteos bolsa Beriýada galdylar.
15 Pawlusy ugradýanlar ony Afina çenli
getirdiler. Olar Pawlusdan: «Silas bilen
Timoteos tizden-tiz meniň ýanyma gel-
sinler» diýen buýrugy alansoňlar, Beriýa
şäherine dolanyp geldiler.

### *Pawlus Afinyda wagyz edýär*

16 Pawlus Afinyda Silas bilen Timo-
teosa garaşýarka, şäheriň butlardan
doludygyny görüp, ýüregi gyýyldy.
17 Şonuň üçin Pawlus sinagogada ýahu-
dylar we Rebbe sežde edýän köp sanly
grekler bilen gürrüňleşdi. Şeýle hem her
gün bazarda duş gelen adamlara wagyz
etdi. 18 Birnäçe epikur we stoik tagly-
matçylar hem Pawlus bilen jedelleşdiler.
Käbiri: «Bu ýaňra näme diýjek bolýar?»
diýse, käbiri: «Ol keseki hudaýlar barada
wagyz edýär» diýýärdi. Olar Pawlus Isa-
nyň Hoş Habaryny we direlişini wagyz
edýändigi üçin şeýle diýýärdiler. 19 Olar
Pawlusy tutup, Arýopagus mejlisine ge-
tirip, şeýle diýdiler: «Seniň öwredýän
bu täze taglymatyňyň nämedigini biz
hem bilsek bolarmy? 20 Sen biziň öň
eşitmedik käbir geň zatlarymyz barada
gürrüň edýärsiň. Biz indi bu zatlaryň
näme aňladýandygyny bilmek isleýäris».
21 Hemme afinylylar we ol ýerde ýaşa-
ýan başga milletler ähli wagtlaryny täze
düşünjeler barada gürrüň etmek ýa-da
diňlemek bilen geçirýärdiler. 22 Pawlus
Arýopagus mejlisiniň ortasynda du-
rup, şeýle diýdi: «Eý, afinylylar! Men
siziň berk dindardygyňyzy görýärin.
23 Men bütin şähere aýlanyp çykyp,

siziň ybadat edýän zatlaryňyzy gözden
geçirdim. Bu zatlaryň arasyndan „NÄ-
TANYŞ HUDAÝA“ diýen ýazgyly bir
gurbanlyk sypasyny gördüm. Ine, men
size özüňiziň tanamazdan sežde edýän
Hudaýyňyz barada gürrüň bermekçi.
24 Älem-jahany we ondaky ähli zatlary
ýaradan Hudaý ýeriň-gögüň Hökümdary
bolup, Ol ynsan eli bilen ýasalan ybadat-
hanalarda ýaşamaýar. 25 Ol ynsan eliniň
hyzmatyna mätäç däl, Ol hiç zada zar
däl, sebäbi her bir ynsana ýaşaýyş, dem
we ähli zady berýän Onuň Özüdir. 26 Hu-
daý ähli milletleri bir adamdan ýaradyp,
olary bütin ýer ýüzüne ýaýratdy. Olaryň
ýaşajak wagtyny we çägini öňünden bel-
läp berdi. 27 Ol bulary Özüni agtarsynlar,
gözläp tapsynlar diýip etdi. Hakykatda-
nam, Hudaý biziň hiç birimizden uzakda
däldir. 28 Biz Onuň bilen ýaşaýandyrys,
hereket edýändiris we bardyrys. Käbir
şahyrlaryňyzyň aýdyşy ýaly: „Biz Onuň
zürýadydyrys“. 29 Hawa, biz Hudaýyň
zürýatlarydyrys. Şonuň üçin-de, biz Ony
ynsan sungaty we hünäri arkaly altyndan,
kümüşden ýa-da daşdan ýasalan heýkele
meňzetmeli däldiris. 30 Hudaý ynsanla-
ryň geçmişdäki nadanlygyna göz ýumdy.
Indi bolsa Ol hemme ýerde ähli adam-
laryň toba etmegini buýurýar. 31 Çünki
Hudaý Öz bellän Ynsany arkaly dünýä-
ni adalatly höküm etjek gününi belledi.
Ony ölümden direltmek bilen Ony bel-
ländigini ähli ynsanlara subut etdi».

32 Olar Pawlusyň ölümden direliş bara-
daky wagzyny eşidenlerinde, käbirleri
ony masgara etdi, käbirleri bolsa: «Bu
hakda seni ýene diňläris» diýdiler. 33 Şeý-
lelikde, Pawlus olaryň arasyndan çykyp
gitdi. 34 Birnäçe adam oňa goşulyp iman
etdi. Olaryň arasynda mejlis agzasy Di-
ýonis, şeýle hem, Damara atly bir aýal
we başga-da ençeme adamlar bardy.

## 18-nji bap

### *Pawlus Korintos şäherinde*

1 Mundan soň Pawlus Afinyny taşlap,
Korintosa gitdi. 2 Ol ýerde Pawlus Akila
atly bir ýahudy bilen tanyşdy. Akila as-
ly Pontusly bolup, aýaly Priskilla bilen
ýaňy-ýakynda Italiýadan gelipdi. Sebäbi
imperator Klawdiý hemme ýahudylaryň
Rimden çykmaklary barada perman
çykarypdy. Pawlus bu maşgalany gör-
mäge gitdi. 3 Olar hem Pawlus ýaly çadyr
tikmek bilen meşgullanýardylar, şonuň
üçin Pawlus olar bilen ýaşap, bile işledi.
4 Pawlus her Sabat güni sinagogada Hoş
Habar hakda pikir alşyp, ýahudylary
we grekleri ynandyrmaga çalyşýardy.
5 Silas bilen Timoteos Makedoniýadan
gelenlerinden soň, Pawlus tutuş wagty-
ny Isa hakdaky habary wagyz etmäge
bagyşlady. Ol ýahudylara Isanyň Me-
sihdigi barada şaýatlyk etdi. 6 Emma
olar Pawlusa garşy çykyp, oňa sögmäge
başladylar. Şonda Pawlus olardan nära-
zy bolup, egin-eşiginiň çaňyny kakyp:
«Ganyňyz öz boýnuňyza bolsun, mende
aýyp ýok. Mundan beýläk men keseki
milletleriň ýanyna gitjek» diýdi. 7 Onsoň
Pawlus ol ýerden çykyp, Titus Ýustus at-
ly bir adamyň öýüne bardy. Titus Ýustus
Hudaýa sežde edýän adam bolup, onuň
öýi sinagoga bilen ýanaşykdy. 8 Sinagoga
baştutany Krispus tutuş öý-içersi bilen
bile Rebbe iman etdi. Pawlusy diňlän
ençeme korintoslylar hem iman edip,
Isanyň ady bilen suwa çümdürildiler.

9 Bir gije Reb görnüş arkaly Pawlusa şeý-
le diýdi: «Gorkma, geple, dymma! 10 Men
seniň bilendirin, hiç kim saňa azar bermez,
ýamanlyk etmez, sebäbi bu şäherde Me-
niň halkymyň sany köpdür». 11 Şeýlelikde,
Pawlus bir ýarym ýyllap olaryň arasynda

galyp, Hudaýyň sözüni öwretdi. [12]Ahaýa
welaýatynyň häkimi Galiýonyň döwründe
ýahudylar birleşip, Pawlusa garşy çykdylar
we ony kazyýete getirdiler. [13]Olar: «Bu
adam kanuna garşy ýollar bilen halky
Hudaýa sežde etmäge yrýar» diýdiler.
[14]Pawlus ýaňy söze başlamakçy bolup
durka, Galiýo ýahudylara ýüzlenip: «Eý,
ýahudylar! Eger dawaňyz bir adalatsyzlyk
ýa agyr jenaýat hakda bolan bolsady, sizi
sabyrlylyk bilen diňlemegi makul biler-
dim. [15]Emma meseläňiz sözler, atlar we
öz kanunyňyz barada eken, bulary özüňiz
çözüň. Meniň bulara kazylyk edesim gele-
nok» diýdi. [16]Şeýlelikde, olary kazyýetden
kowup goýberdi. [17]Onsoň olar sinagoga-
nyň baştutany Sostenisi kazyýetiň öňünde
tutup ýençdiler. Emma Galiýo bularyň hiç
birine üns hem bermedi.

### *Pawlus Antakiýa dolanýar*

[18]Pawlus Korintosda ýene ençeme gün-
läp galdy. Soňra doganlar bilen hoşlaşyp,
gämide Siriýa gitdi. Priskilla bilen Akila
hem onuň bilen gitdiler. Pawlus Hudaýa
eden wadasyny saklap, Kenhreýa tarap
ýola düşmezden öň, saçyny syrdyrdy.
[19]Efese gelenlerinde, Pawlus Priskilla
bilen Akilany şol ýerde galdyrdy. Özi
bolsa sinagoga gidip, ýahudylar bilen
Hoş Habar hakda pikir alyşdy. [20]Adam-
lar Pawlusdan öz ýanlarynda köpräk
galmagyny haýyş etdiler, emma Pawlus
razy bolmady. [21]Hoşlaşmazdan öň, ola-
ra söz berip: «Hudaý oňlasa, ýanyňyza
ýene gelerin» diýdi. Şundan soň Efesi
galdyryp, gämide ýola düşdi. [22]Pawlus
Kaýsariýa gelende, Iýerusalime gidip,
imanlylar topary bilen görüşdi. Soňra
Antiýoha gitdi. [23]Ol ýerde birnäçe wagt
bolandan soň, ýene ýola düşdi, Galatýa
we Frikiýa ülkelerini aýlanyp, ähli şä-
girtleri imanda berkitdi.

### *Apollo wagyz edýär*

[24]Şol wagt Apollo atly bir ýahudy
Efese geldi. Onuň asly isgenderiýalydy.
Gepe çeper Apollo Mukaddes Ýazgylary
örän gowy bilýärdi. [25]Rebbiň ýolunda
tälim alan bu adam ruhy hyjuw bilen
gepleýärdi. Diňe Ýahýanyň çümdüriş
taglymatyny alan hem bolsa, Isa bilen
bagly taglymaty dogry öwredýärdi. [26]Ol
sinagogada gaýduwsyzlyk bilen gep-
lemäge başlady. Priskilla bilen Akila
Apollonyň wagzyny eşidenlerinde, ony
öz öýlerine çagyryp, oňa Hudaýyň ýolu-
ny has doly düşündirip berdiler. [27]Apollo
Ahaýa gitmegi ýüregine düwdi. Efesdäki
doganlar ol ýerdäki şägirtlere ony oňat
garşy almaklaryny sorap, hat ýazdylar.
Apollo Ahaýa gelip, Hudaýyň merhemeti
bilen iman edenlere uly kömek etdi. [28]Ol
Mukaddes Ýazgylar esasynda Isanyň
Mesihdigini subut edip, ýahudylaryň
nähakdygyny halkyň öňünde aç-açan
paş edýärdi.

## 19-njy bap

### *Pawlus Efes şäherinde*

[1]Apollo Korintosdaka, Pawlus düz-
lükleriň üsti bilen Efese geldi. Bu ýerde
birnäçe imanly doganlary tapdy. [2]Olar-
dan: «Iman edeniňizde Mukaddes Ruhy
kabul etdiňizmi?» diýip sorady. Olar hem
oňa: «Biziň Mukaddes Ruhuň bardygyn-
dan hatda habarymyzam ýok» diýdiler.
[3]Olardan: «Onda nämä esaslanyp çümdü-
rildiňiz?» diýip sorady. Olar: «Ýahýanyň
çümdürmesine esaslanyp çümdürildik»
diýip jogap berdiler. [4]Pawlus: «Ýahýa toba
edenleri çümdürýärdi. Ol halky özünden
soňra Gelene, ýagny Isa iman etmäge
çagyrdy» diýdi. [5]Olar muny eşidip, Reb
Isanyň yzyna eýerijiler hökmünde suwa

çümdürildiler. [6]Pawlus olaryň üstleri-
ne elini goýan badyna, olara Mukaddes
Ruh indi. Olar nämälim dillerde gepläp,
pygamberlik etmäge başladylar. [7]Olaryň
hemmesi on iki adam töweregi bardy.

[8]Pawlus üç aýlap sinagoga baryp, ol
ýerde halka ynandyryjy deliller bilen
Hudaýyň Şalygy barada batyrgaý wa-
gyz etdi. [9]Emma käbirleri keçjallyk edip,
ynanmak islemediler we halkyň öňünde
«Isanyň Ýoly» atly topary ýamanlamaga
başladylar. Şeýlelikde, Pawlus olaryň
ýanyndan gaýtdy we imanlylary-da özi
bilen alyp gaýtdy. Ol Tiran diýen ada-
myň diwanhanasynda her gün söhbet
etdi. [10]Bu iş iki ýyl dowam etdi. Şeýdip,
Aziýa welaýatynda ýaşaýanlaryň hem-
mesi: ýahudylaram, greklerem Rebbiň
Hoş Habaryny eşitdiler.

[11]Hudaý Pawlusyň eli bilen gör-
lüp-eşidilmedik gudratlary görkezdi.
[12]Pawlusa degen elýaglykdyr guşaklary
alyp, hassalaryň üstüne ýapanlarynda,
olar dertlerine şypa tapýardylar, olardan
arwah-jynlar çykýardy.

[13]Şäherden-şähere aýlanyp, arwah-
jynlary kowup çykarýan käbir ýahudylar
topary hem bardy. Olar arwah-jyn eýelän-
lere Reb Isanyň ady bilen şypa bermäge
synanyşyp: «Pawlusyň wagyz edýän
Isasynyň ady bilen size buýruk berýä-
rin!» diýýärdiler. [14]Ýahudylaryň Skewa
atly baş ruhanysynyň ýedi ogly-da bu
iş bilen meşgullanýardy. [15]Bir gezek
arwah-jyn olardan: «Isany tanaýaryn,
Pawlusy-da bilýärin, ýöne siz kim?»
diýip sorady. [16]Onsoň erbet ruh eýelän
adam olaryň üstüne topulyp, ählisini
basdy. Şonda olar bu öýden ýalaňaç hem
ýaraly gaçyp gitdiler. [17]Efesde ýaşaýan
ýahudylaryň we grekleriň hemmesi bu
wakany eşidip gorkdular. Reb Isanyň ady
beýgeldi. [18]Iman edenleriň köpüsi gelip,
eden etmişlerini açyk boýun aldylar.
[19]Jadygöýlik bilen meşgullanýanlaryň
ençemesi kitaplaryny üýşürip, hemmä-
niň gözüniň alnynda ýakdylar. Olaryň
bahasyny hasaplanlarynda, elli müň
kümüş teňňe çykdy. [20]Şeýlelikde, Rebbiň
Hoş Habary barha ýaýrap, güýç-gudraty
artýardy.

[21]Bu wakalardan soň, Pawlus Makedo-
niýanyň we Ahaýanyň üstünden geçip,
Iýerusalime gitmegi ýüregine düwdi.
Pawlus: «Ol ýerde bolanymdan soň, Ri-
mi hem görmegim gerek» diýdi. [22]Ol öz
iki kömekçisini: Timoteos bilen Erasdy
Makedoniýa ýollady. Özi bolsa birnäçe
wagtlap Aziýa welaýatynda galdy.

### *Efesdäki galmagal*

[23]Şol wagtlar «Isanyň Ýoly» atly to-
par dogrusynda uly galmagal turdy.
[24]Demetreý atly bir zergär bardy. Ol
kümüşden Artemis buthanasynyň şe-
killerini ýasamak bilen ussalara köp
girdeji getirerdi. [25]Demetreý ussalary
we şunuň ýaly iş bilen meşgullanýanlary
üýşürip, şeýle diýdi: «Adamlar! Biziň şu
hünär arkaly oňat gazanç edýändigimizi
özüňiz bilýänsiňiz. [26]Emma Pawlusyň:
„Ynsan eli bilen ýasalan hudaýlar asla
hudaý däldir“ diýip, diňe Efesde däl,
eýsem, bütin Aziýa welaýatynda köp
adamlary ynandyryp azdyrandygy-
ny-da görüp-eşidýänsiňiz. [27]Biziň bu
senedimize halkyň arasynda abraýdan
düşmek howpy abanýar. Diňe bu howp
däl, eýsem, beýik zenan hudaý Artemi-
siň buthanasynyň-da hiç zat saýylyp,
bütin Aziýa welaýatynyň we dünýä-
niň sežde edýän hudaýynyň şöhraty
puja çykmagy ahmal». [28]Olar muny
eşidenlerinde, gahar-gazapdan dolup:
«Efeslileriň Artemisi beýikdir!» diýip
gygyrmaga başladylar. [29]Şeýdip, bütin

şäher galagopluga düşdi. Halk make-
doniýaly Gaýus bilen Aristarhy tutup,
olary tomaşa meýdanyna süýräp getirdi.
Bu ikisi ýolda Pawlusa ýoldaş bolupdy-
lar. 30 Pawlus halkyň arasyna girmekçi
bolanda, şägirtler ony goýbermediler.
31 Onuň dostlary bolan Aziýa welaýa-
tynyň häkimlerinden käbiri-de Pawlusa
habar ýollap, tomaşa meýdanynda gö-
rünmezligini haýyş etdiler. 32 Tomaşa
meýdanyndaky jemagat galagopluga
düşdi. Olaryň hersi bir zat diýip gygyr-
ýardy. Köpüsi näme üçin üýşendiklerini
hem bilmeýärdi. 33 Onsoň ýahudylaryň
itermegi bilen, mähelläniň içinden Is-
gender diýen bir adamy öňe çykardylar.
Käbir adamlar näme diýmelidigini oňa
gygyryp aýtdylar. Isgender eli bilen yşa-
rat edip, halkyň öňünde gepläp, özüni
gorajak boldy. 34 Emma halk onuň ýahu-
dydygyny bilende, hemmesi biragyzdan:
«Efeslileriň Artemisi beýikdir!» diýip,
iki sagatlap gygyryp durdular. 35 Şäher
kätibi mähelläni köşeşdirip, şeýle diýdi:
«Eý, efesliler! Beýik Artemis buthana-
synyň we asmandan inen heýkeliniň
goragçysynyň Efes şäheridigini kim
bilmeýär?! 36 Muny hiç kim inkär edip
bilmez. Şonuň üçin hem özüňizi rahat
alyp baryp, paýhasly hereket etmelisiňiz.
37 Bu adamlar ne buthana ogrusy, ne-de
hudaýymyza dil ýetiripdirler, emma siz
olary bu ýere getirdiňiz. 38 Demetreýiň
ýa-da onuň ýanyndaky ussalaryň biri-
ne garşy dawalary bar bolsa, kazyýetiň
gapylary açyk, ol ýerde kazylar bar.
Goý, biri-birine garşy aýyplamalaryny
aýdyp, şol ýerde arz etsinler. 39 Başga bir
çäre görmekçi bolsaňyz, onda ol kanuny
ýygnakda çözüler. 40 Bu günki wakalar
zerarly, bizi gozgalaň turuzmakda aýyp-
lamaklary ahmal. Bizde bu toplanyşygy
aklap biljek hiç bir delil ýok». Ol şeýle
diýdi-de, üýşen mähelläni dargadyp
goýberdi.

### 20-nji bap

*Pawlus Makedoniýada we Gresiýada*

1 Pawlus başagaýlyk ýatyşandan
soň, şägirtleri ýanyna çagyryp, ola-
ra öwüt-nesihat etdi. Soňra olar bilen
hoşlaşyp, Makedoniýa ugrady. 2 Ol etrap-
lary aýlanyp, imanlylar bilen ýürekden
söhbet edip, olary ruhlandyrdy. Soňra ol
Gresiýa geldi. 3 Ol ýerde üç aýlap galdy.
Soňra Siriýa gämili gitmekçi bolanda,
ýahudylaryň özüne garşy duzak gu-
randygyny bilip, Makedoniýanyň üsti
bilen yzyna dolanmak kararyna geldi.
4 Beriýadan Pirrosyň ogly Sopater, Salo-
nikiden Aristarh bilen Sekond, Derbeden
Gaýus hem Timoteos, şeýle hem Aziýa
welaýatyndan Tihik bilen Trofym dagy
onuň bilen bile gitdiler. 5 Bular öňden
gidip, Troasda bize garaşdylar. 6 Biz hem
Petir baýramyndan soňra Filipiden gämi
bilen ýola düşdük. Bäş günde olaryň
ýanyna – Troasa gelip ýetdik. Ol ýerde
ýedi gün bolduk.

*Troasdaky gudrat*

7 Hepdäniň birinji güni[a] bile çörek
iýmäge ýygnanyşdyk. Pawlus ertesi gün
ýola düşmekçidi, şonuň üçin ýarygijä
çenli wagyz etdi. 8 Biziň ýygnanyşan
ýokary gatdaky otagymyzda köp çyra
ýanyp durdy. 9 Ýewtuk atly bir ýaş ýi-
git penjirede otyrdy. Pawlus gürrüňini
dowam edýärkä, Ýewtugy uky basyp,
üçünji gatdan ýykyldy. Ony baryp gö-
renlerinde, ol eýýäm jan beren eken.

[a] **20:7** ***Hepdäniň birinji güni*** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýekşenbe günüdir.

10 Pawlus aşak düşüp, ýigidiň üstüne egil-
di we ony gujaklap: «Gaýgy etmäň, ol
diri!» diýdi. 11 Onsoň ýene ýokary çykdy,
bile çörek iýdi we olar bilen daň atýan-
ça söhbet etdi. Soňra bolsa ýola düşdi.
12 Olar ýaňky oglanyň diridigine şatlanyp,
ony öýüne sag-salamat getirdiler.

13 Pawlus Asos şäherine pyýada gitmek
kararyna geldi. Beýlekilerimiz bolsa
gämä münüp gitdik. Biz ol ýerde Paw-
lusy garşy almalydyk. Muny bize onuň
özi şeýle tabşyrypdy. 14 Pawlus Asosda
bize goşuldy, onsoň biz ony alyp, Mi-
tilina şäherine tarap ýola düşdük. 15 Ol
ýerden gämi bilen ýüzüp, ertesi Hiýos
adasynyň golaýyna ýetdik. Bir günden
soň bolsa Samosa geçip, onuň ertesi hem
Militosa baryp ýetdik. 16 Pawlus Aziýa
welaýatynda wagtyny ýitirmezlik üçin,
Efesiň gapdalyndan geçip gitmegi ýü-
regine düwdi. Ol Iýerusalime ýetmäge
howlugýardy, sebäbi Ellinji gün baýramy
güni ol ýerde bolmak isleýärdi.

### *Pawlus Efesdäki ýygnak ýolbaşçylary bilen hoşlaşýar*

17 Pawlus Militosdan Efese adam ibe-
rip, ýygnagyň ýolbaşçylaryny ýanyna
çagyrtdy. 18 Ýolbaşçylar Pawlusyň ýa-
nyna gelenlerinde, olara şeýle diýdi:
«Meniň Aziýa welaýatyna gelen ilkinji
günümden bäri siziň ýanyňyzda nä-
hili ýaşandygymy özüňiz bilýänsiňiz.
19 Men köp gözýaş döküp, pespällik bi-
len Rebbe hyzmat etdim. Ýahudylaryň
garşyma guran dildüwşüklerine we
synaglaryna duçar boldum. 20 Peýdaly
bolan zatlaryň hiç birini sizden gaýgyr-
madym. Öýme-öý aýlanyp, hemmesini
size aç-açan wagyz etdim. 21 Men ýa-
hudylaryň-da, grekleriň-de toba edip,
Hudaýa dolanmaga we Rebbimiz Isa Me-
sihe iman etmäge çagyrdym. 22 Indi bolsa
Mukaddes Ruha boýun egip, Iýerusalime
gidýärin. Ol ýerde başyma nämeleriň
geljegini bilemok. 23 Emma Mukaddes
Ruh maňa her şäherde zynjyrlara we
muşakgatlara duçar boljakdygymy duý-
durýar. 24 Muňa garamazdan, janymy
özüm üçin gymmatly hasaplamaýaryn.
Men diňe pellehana ýetmek we Rebbimiz
Isanyň tabşyran işini doly amala aşyr-
mak isleýärin. Bu iş Hudaýyň merhemeti
baradaky Hoş Habara şaýatlyk etmekdir.
25 Men araňyzda bolup, Hudaýyň Şalygy-
ny wagyz etdim. Indi siziň hiç biriňiziň
mundan beýläk meni görmejekdigiňizi
bilýärin. 26 Şonuň üçin bu gün size şuny
yglan edýärin: men hiç kimiň ganyna jo-
gapkär däldirin. 27 Sebäbi men Hudaýyň
ähli islegini size wagyz etmekden boýun
towlamadym. 28 Özüňize we Mukad-
des Ruhuň siziň gözegçiligiňize beren
ähli sürüsine göz-gulak boluň. Huda-
ýyň ýygnagyna çopançylyk ediň. Ol bu
ýygnagy Öz Oglunyň gany bilen satyn
aldy. 29 Men gidenimden soňra, araňyza
ýyrtyjy möjekleriň geljegini bilýärin,
olar sürini aýap goýmazlar. 30 Hatda öz
araňyzdan käbir adamlar çykyp, şägirt-
leri yzyna eýertdirjek bolup, hakykaty
ýoýarlar. 31 Şonuň üçin hüşgär boluň. Üç
ýyllap gije-gündiz gözýaşlarym bilen
her biriňize üznüksiz nesihat edenimi
ýadyňyzda saklaň. 32 Indi bolsa men sizi
Hudaýa tabşyrýaryn. Onuň merhemetli
Hoş Habaryny unutmaň! Bu Habar size
güýç-gudrat berer, Hudaýyň mukaddes
halky bilen birlikde Onuň wada beren
ýalkanyşlaryny eçiler. 33 Men hiç kimiň
puluna ýa-da egin-eşigine göz dikmedim.
34 Siz meniň özümiň we ýoldaşlarymyň
mätäçliklerini kanagatlandyrmak üçin,
ellerim bilen zähmet çekendigimi bilýän-
siňiz. 35 Öz ellerim bilen işläp, mätäçlik
çekýänlere kömek etmekde men size

görelde görkezdim. Rebbimiz Isanyň
hut Özüniň: „Bermek almakdan has köp
bagtyýarlyk getirýär“ diýen sözlerini
ýatda saklaň».
36Pawlus sözüni tamamlandan soň,
dyza çöküp, olaryň ähli̇si bilen birlikde
Hudaýa doga-dileg etdi. 37Şonda olaryň
hemmesi boýur-boýur gözýaş döküp,
Pawlusy bagryna basdylar, ony ogşady-
lar. 38Pawlusyň: «Indi meni hiç haçan
görmersiňiz» diýen sözleri olary örän
tukatlandyrdy. Soňra olar ony gämä
çenli ugratdylar.

## 21-nji bap

### *Pawlusyň Iýerusalime syýahaty*

1Biz olar bilen hoşlaşyp, gämide gö-
ni Kos adasyna, ertesi gün Rodosa, ol
ýerden hem Patara geldik. 2Onsoň Fini-
kiýa barýan bir gämi tapyp mündük we
deňze çykdyk. 3Kipre golaýlanymyzda,
onuň günortasyndan geçip, Siriýa tarap
ýüzdük. Soňra Sura baryp ýetdik, sebäbi
gämi şol ýerde ýüküni düşürmelidi. 4Biz
şägirtleri tapyp, ol ýerde ýedi gün galdyk.
Şägirtler Mukaddes Ruhuň ugrukdyr-
magy bilen Pawlusa Iýerusalime gitmeli
däldigini aýtdylar. 5Biziň wagtymyz
dolanda, ýene ýola düşüp, syýahatymyzy
dowam etdirdik. Imanlylaryň hemmesi,
aýallary we bala-çagalary bilen bile şä-
heriň daşyna çenli bizi ugratdy. Onsoň
kenarda dyza çöküp, Hudaýa doga-dileg
etdik. 6Biri-birimiz bilen hoşlaşany-
myzdan soň, gämä mündük, olar hem
öýlerine gaýtdylar.
7Biz ýolumyzy Surdan dowam etdirip,
Ptolemeý şäherine geldik. Ol ýerdäki
doganlaryňka görme-görşe baryp, bir
gün olaryň ýanynda galdyk. 8Ertesi
gün biz ýola düşüp, birnäçe günden
Kaýsariýa geldik we hoş habarçy Filipiň
öýünde galdyk, ol saýlanan ýedi ýolbaş-
çynyň biridi. 9Filipiň durmuşa çykmadyk
dört gyzy bardy we olar pygamberlik
edýärdiler.
10Biz ol ýerde ençeme gün bolany-
myzdan soň, Ýahudyýadan Agap atly
pygamber geldi. 11Ol biziň ýanymyza
gelip, Pawlusyň guşagyny aldy-da, öz
el-aýagyny baglap: «Mukaddes Ruh
şeýle diýýär: „Iýerusalimdäki ýahu-
dylar şu guşagyň eýesini şeýle baglap,
keseki milletleriň eline bererler“» diýdi.
12Muny eşidenimizde, biz-de, ol ýerde
ýaşaýanlar-da Iýerusalime gitmezli-
gi üçin Pawlusa ýalbardyk. 13Pawlus:
«Näme üçin aglaşyp, meniň ýüregimi
agyrdýarsyňyz? Men Iýerusalimde diňe
el-aýagymyň baglanmagyna däl, eýsem,
Rebbimiz Isanyň ady üçin ölmäge-de
taýýar» diýip jogap berdi. 14Ony yryp
bilmänimizden soň biz: «Goý, Rebbiň
islegi bolsun!» diýip dymdyk.
15Şol günlerden soň goşumyzy düwüp,
Iýerusalime ýola düşdük. 16Kaýsariýa-
dan şägirtleriň birnäçesi hem biziň bilen
bile gaýtdylar. Olar bizi Minason diýen
adamyň öýüne getirdiler, biz onuňkyda
galmalydyk. Minason kiprli bolup, ilki-
başdaky şägirtleriň biridi.

### *Pawlus Iýerusalimde*

17Iýerusalime gelenimizde, doganlar
bizi şatlyk bilen garşyladylar. 18Erte-
si Pawlus biziň bilen birlikde Ýakuby
görmäge bardy, Iýerusalimdäki ýygna-
gyň ähli ýolbaşçylary-da şol ýerdediler.
19Pawlus olar bilen salamlaşandan soň,
öz hyzmaty arkaly Hudaýyň keseki mil-
letleriň arasynda eden işlerini birin-birin
gürrüň berdi. 20Olar muny eşidip, Hu-
daýy şöhratlandyrdylar. Soňra Pawlusa
şeýle diýdiler: «Görýäňmi, dogan, ýahu-
dylaryň arasynda müňlerçe imanly bar.

Olaryň hemmesi-de Mukaddes Kanuna
özlerini ýürekden bagyş edenler. 21Ola-
ryň eşidişine görä, sen keseki milletleriň
arasynda ýaşaýan ýahudylaryň hemme-
sine Musanyň kanunyndan dönmekligi,
çagalaryny sünnetlemezligi, däp-dessur-
lara uýmazlygy öwredýärmişiň. 22Indi
näme etmeli? Seniň geleniňi olar hök-
man eşiderler. 23Şonuň üçin biziň aýtjak
zatlarymyzy ýerine ýetir. Aramyzda
Hudaýa ant içip, wada beren dört adam
bar. 24Şol adamlary ýanyňa al-da, olar
bilen bile tämizlenme dessuryna goşul
we olaryň harçlaryny sen töle. Ondan
soň olar saçlaryny syrdyrmaly. Şeý-
lelikde, hemmeler sen hakda aýdylan
myş-myşlaryň ýalandygyny, seniň-de
Musanyň kanunyna uýup ýaşaýandygy-
ňy bilerler. 25Iman eden keseki milletler
hakda aýdanymyzda bolsa, biz belli bir
karara gelip, olara bireýýäm: „Butlara
hödürlenen gurbanlyk etini iýmekden,
zynadan, damagy çalynmadyk haýwa-
nyň etinden we ganyndan daş duruň“
diýip ýazylan haty ýollapdyk».

26Ertesi gün Pawlus ýaňky adamla-
ry ýanyna alyp, olar bilen bile özüni
tämizledi. Onsoň ol ybadathana girip,
päkleniş günleriniň haçan gutarjak-
dygyny we olaryň her biri üçin haçan
sadaka berjekdigini yglan etdi.

### *Pawlus tutulýar*

27Bellenilen ýedi gün dolup barýardy.
Aziýa welaýatyndan gelen ýahudylar
Pawlusy ybadathanada gördüler. Olar
tutuş halky öjükdirip, ony tutdular.
28Olar: «Eý, ysraýyl halky! Kömek
ediň! Bu adam ähli ýerde biziň halky-
myza, Musanyň bize beren kanunyna,
ybadathanamyza garşy hemmelere ters
sapak berýär. Munuň üstesine-de, grek-
leri ybadathana getirip, bu mukaddes
ýeri harama çykardy» diýip gygyrdylar.
29Beýle diýmekleriniň sebäbi, munuň
öň ýany efesli Trofymy şäherde Paw-
lus bilen bile görüpdiler we Pawlus
ony-da ybadathana getirendir öýdüp
pikir edýärdiler.

30Bütin şäher aýaga galdy, hemme
tarapdan ylgaşyp gelen halk birleşdi-de,
Pawlusy tutup, ybadathanadan daşary
süýredi. Şobada hem ybadathananyň ga-
pylary ýapyldy. 31Pawlusy öldürjek bolup
durkalar, Rim goşunynyň müňbaşysyna
bütin Iýerusalimiň aýaga galandygy ba-
radaky habar gelip gowuşdy. 32Müňbaşy
dessine ýüzbaşylaryny we esgerlerini
alyp, halkyň üstüne eňdi. Olar müňbaşy
bilen esgerleri görenlerinde, Pawlusy
ýençmegi bes etdiler. 33Şol wagt müň-
başy golaý gelip, Pawlusy tussag etdi we
goşa zynjyrlar bilen baglamagy buýurdy.
Soňra ol: «Bu adam kim? Ol näme et-
di?» diýip sorady. 34Mähelläniň içinde
goh-galmagal turdy, her kim bir zat diýip
gygyrdy. Alagowurdydan ýaňa müňba-
şy näme bolanyny anyk bilmedi. Şonuň
üçin ol Pawlusy gala äkitmegi buýurdy.
35Pawlus basgançaga gelende, mähelle
ony gysyp-gowrup barýardy. Şonuň üçin
esgerler ony göterip äkitmeli boldular.
36Mähelle onuň yzyna düşüp: «Öldüriň
ony!» diýip gygyryşýardy.

### *Pawlus mähellä ýüzlenýär*

37Esgerler Pawlusy ýaňy galanyň
içine alyp girenlerinde, ol müňbaşa:
«Senden bir zat sorap bilerinmi?» diýdi.
Müňbaşy haýran galyp: «Sen grekçe
bilýäňmi? 38Mundan birnäçe wagt öň
gozgalaň turzup, dört müň kellekeseri
çöle alyp çykan müsürli sen dälmi?»
diýdi. 39Pawlus: «Men ýahudy, Kiliki-
ýanyň Tarsus şäherinden, şol meşhur
şäheriň raýatydyryn. Maňa halka söz

sözlemäge ygtyýar bermegiňi haýyş
edýärin» diýdi. 40 Müňbaşy Pawlusa
rugsat berende, ol basgançagyň üstünde
durup, halka ýuwaş bolmagy eli bilen
yşarat etdi. Adamlar ümsüm bolansoň,
Pawlus olara arameý dilinde ýüzlenip,
söze başlady:

## 22-nji bap

1 «Eý, doganlar, atalar! Indi meniň
özümi aklap aýtjak sözüme gulak asyň».
2 Adamlar onuň arameýçe gepleýän-
digini eşidip, seslerine suw sepilen
ýaly boldular. Pawlus sözüni dowam
etdi: 3 «Men ýahudydyryn. Kilikiýanyň
Tarsus şäherinde doguldym, emma şu
şäherde ulaldym. Bu ýerde Gamaliýe-
liň şägirdi bolup, ata-babalarymyzyň
kanunynyň berk adatlaryna görä tälim
aldym. Bu günki siziň bolşuňyz ýaly,
menem Hudaýa juda yhlaslydym. 4 „Isa-
nyň Ýoly“ atly topara degişli adamlara
ölüm howpuny salyp yzarlardym, aýal-
-erkek diýmän, elini-aýagyny baglap,
hemmesini zyndana dykardym. 5 Aýd-
ýanlarymyň hakykatdygyny baş ruhany
bilen tutuş mejlis tassyklap biler. Men
hatda olardan Damaskdaky ýahudy do-
ganlarymyzy tutmaga rugsat hatyny hem
aldym. Olaryň elini-aýagyny baglap,
Iýerusalime getirip, jezalandyrmak mak-
sady bilen Damaska tarap ýola düşdüm.
6 Günorta wagty Damaska golaýlap bar-
ýarkam, birdenkä asmandan parlak nur
daş-töweregime ýagty saçdy. 7 Men ýere
ýykyldym. Şol wagt: „Şawul, Şawul,
näme üçin sen Maňa azar berýärsiň?“
diýen sesi eşitdim. 8 Men: „Agam, sen
kim?“ diýip soradym.

Ol maňa: „Men seniň azar berýän na-
syraly Isaň“ diýip jogap berdi. 9 Meniň
ýanymdakylar şöhläni görüp gorkdu-
lar, emma meniň bilen gepleşen sese
düşünmediler. 10 Men: „Ýa Reb! Men
näme etmeli?“ diýip soradym. Ol hem
maňa: „Ýeriňden tur-da, Damaska git.
Näme etmelidigiň saňa şol ýerde aýdy-
lar“ diýdi. 11 Ýaňky nuruň ýalkymyndan
ýaňa gözlerim kör boldy. Şonuň üçin
ýanymdaky ýoldaşlarym Damaska meni
idip äkitdiler. 12 Ol ýerde Hanany atly
bir adam ýaşaýardy. Ol hudaýhon hem
Mukaddes Kanuna berlendi, Damask-
daky ähli ýahudylaryň arasynda uly
hormata eýedi. 13 Ol meniň ýanyma gelip:
„Şawul dogan! Goý, gözleriň ýene açyl-
syn!“ diýdi. Meniň gözlerim şol pursatda
açylyp, ony gördüm. 14 Hanany maňa:
„Ata-babalarymyzyň Hudaýy seni saý-
lady. Ol muny Onuň islegini bilmegiň,
Dogry Bolany görüp, owazyny eşitmegiň
üçin etdi. 15 Sen görüp-eşidenleriňi ähli
ynsanlara ýaýyp, Onuň üçin şaýatlyk
edersiň. 16 Indi nämä garaşýarsyň? Tur,
Rebbi çagyryp, suwa çümdüril, günä-
leriňden saplan“ diýdi.

17 Iýerusalime dolanyp gelip, ybadatha-
nada Hudaýa doga edip otyrkam, maňa
bir görnüş aýan boldy. 18 Men Rebbim
Isany gördüm, Ol maňa: „Tiz bol, dessine
Iýerusalimden git, sebäbi olar seniň Men
hakdaky şaýatlygyňy kabul etmezler“
diýdi. 19 Men: „Ýa Rebbim Isa, olar me-
niň sinagogadan-sinagoga aýlanyp, Saňa
iman edenleri tussag edip ýenjenimi
gowy bilýärler. 20 Seniň şaýadyň Stefan
öldürilende, men hem şol ýerdedim. Bu
işi oňladym we ony öldürenleriň eşik-
lerini sakladym“ diýdim. 21 Rebbim Isa
maňa: „Bar, Men seni uzakdaky keseki
milletleriň ýanyna iberýärin“ diýdi».

### *Pawlus Rim raýatydygyny aýdýar*

22 Halk Pawlusy şu ýere çenli diňle-
di, emma bu sözi eşidenlerinde, batly
ses bilen: «Bu adamy ýer ýüzünden

ýok ediň! Ol ýaşamaga mynasyp däl»
diýip gygyrdy. 23 Olar bagyryşyp, egin-
-eşiklerini silkip, çaň-tozanyny howa
kakdylar. 24 Şonda müňbaşy Pawlusyň
gala äkidilmegini buýurdy. Halkyň nä-
me üçin onuň üstüne gygyrýandygyny
bilmek üçin, ony gamçylap, soraga çe-
kilmegini isledi. 25 Pawlusy gamçylamak
üçin baglanlarynda, Pawlus ýanynda
duran ýüzbaşydan: «Rim raýatynyň hiç
hili aýyby ýok hem bolsa, ony gamçyla-
mak siziň kanunyňyza laýyk gelýärmi?»
diýip sorady. 26 Ýüzbaşy muny eşidip,
müňbaşynyň ýanyna baryp: «Näme et-
jek bolýaň? Bu adam Rim raýaty ahyry»
diýip habar berdi. 27 Şonda müňbaşy Paw-
lusyň ýanyna gelip: «Maňa aýt, sen Rim
raýatymy?» diýip sorady. Ol: «Hawa»
diýip jogap berdi. 28 Müňbaşy: «Menem!
Ýöne men bu raýatlygy köp pul töläp
aldym» diýdi. Pawlus: «Men bolsa Rim
raýaty bolup doguldym» diýdi. 29 Ony so-
raga çekjek bolup duranlar şobada onuň
ýanyndan çekildiler. Müňbaşy hem Paw-
lusyň Rim raýatydygyny bilende, onuň
elini-aýagyny bagladany üçin gorkdy.

30 Müňbaşy ertesi gün ýahudylaryň
Pawlusy nämede aýyplaýandyklaryny
takyk bilmek isledi. Şonuň üçin Paw-
lusy azat edip, ýolbaşçy ruhanylar bilen
ýokary mejlisiň ýygnanmagyny buýur-
dy. Onsoň Pawlusy olaryň huzuryna
alyp geldi.

## 23-nji bap

### *Pawlus ýokary mejlisiň öňünde*

1 Pawlus ýokary mejlise dykgat bilen
seredip: «Eý, doganlar! Men şu güne
çenli Hudaýyň öňünde arassa wyždan
bilen ýaşadym» diýdi. 2 Baş ruhany
Hanany Pawlusyň ýanynda duranlara
onuň agzyna urmagy buýurdy. 3 Pawlus
oňa: «Seni Hudaý urar, eý, ýüzi aklanan
diwar! Özüň-ä meniň üstümden kanuna
görä höküm çykarmak üçin otyrsyň, so-
ňam bolsa kanuny bozup, meni urmagy
buýurýarsyň» diýdi. 4 Pawlusyň ýanynda
duranlar ondan: «Sen näme üçin Huda-
ýyň baş ruhanysyna dil ýetirýärsiň?»
diýip soradylar. 5 Pawlus: «Doganlar,
onuň baş ruhanydygyny bilmändirin.
Ýogsam Mukaddes Ýazgylarda hem:
„Öz halkyňyň ýolbaşçysyny näletleme“
diýip ýazylan» diýdi. 6 Pawlus olaryň
bir böleginiň saddukeýler, beýleki bö-
leginiň-de fariseýlerdigini bilip: «Eý,
doganlar, men fariseý, fariseýiň ogludy-
ryn. Men ölüleriň direlýändigine umyt
baglaýandygym üçin höküm edilýärin!»
diýip, mejlisde batly gygyrdy. 7 Pawlu-
syň bu sözünden soňra fariseýler bilen
saddukeýleriň arasyna agzalalyk düşüp,
ýygnanan mähelle ikä bölündi. 8 (Sad-
dukeýler direliş-de, perişde-de, ruh-da
ýok diýýärdiler, fariseýler bolsa bularyň
hemmesine ynanýardylar.) 9 Şeýlelikde,
uly galmagal turdy. Fariseýleriň tarapy-
ny tutýan käbir Töwrat mugallymlary
ýerinden turup, uly dawa turuzdylar.
Olar: «Biz bu adamda hiç hili aýyp tap-
madyk. Onuň bilen bir ruh ýa perişde
gepleşen bolsa näbilýäňiz?» diýdiler.
10 Dawa-jenjel şeýle bir gyzdy welin,
müňbaşy olaryň Pawlusy parçalamak-
laryndan heder edip, esgerlere gelip,
ony olaryň arasyndan süýräp çykaryp,
gala äkitmegi buýurdy. 11 Şol gije Reb
Isa Pawlusa görnüp, oňa: «Mert bol!
Sen Men hakda Iýerusalimde nähili
şaýatlyk eden bolsaň, Rimde-de şeýle
şaýatlyk etmelisiň» diýdi.

**23:5** Msr 22:27.

### *Pawlusa kast etmek barada dildüwşük*

12Ertesi gün ýahudylar biri-birleri
bilen dil birikdirip, Pawlusy öldür-
ýänçäler, iýip-içmezlige kasam etdiler.
13Bu dildüwşüge gatnaşanlaryň sany
kyrkdan hem köpdi. 14Olar ýolbaşçy
ruhanylaryň we ýaşulularyň ýanyna
gelip: «Biz Pawlusy öldürýänçäk, hiç
zat iýip-içmezligi berk kasam etdik.
15Şeýlelikde, siz ýokary mejlis bilen
bilelikde müňbaşydan Pawlusy yzy-
na getirmegi haýyş ediň. Ol hakdaky
maglumatlary doly öwrenmek isleýä-
ris diýen boluň. Pawlus bu ýere gelip
ýetmänkä, biz ony ýolda öldürmäge
taýyn» diýdiler.
16Emma Pawlusyň ýegeni olaryň dil-
düwşük guranyny eşidip, gala bardy-da,
muny Pawlusa habar berdi. 17Pawlus
hem ýüzbaşylaryň birini ýanyna ça-
gyryp: «Bu ýigidi müňbaşynyň ýanyna
elt, oňa bir zat barada habar bermekçi»
diýdi. 18Onsoň ýüzbaşy ony alyp, müň-
başynyň ýanyna getirdi. Oňa: «Tussag
Pawlus meni çagyryp, şu ýigidi seniň
ýanyňa getirmegimi haýyş etdi. Onuň
saňa aýtjak zady bar eken» diýdi. 19Müň-
başy ýigidi goltuklap, bir gyra çekdi-de,
ondan: «Sen maňa näme hakda habar
bermekçi?» diýip sorady. 20Ol şeýle jo-
gap berdi: «Ýahudylar we ýokary mejlis
bilelikde Pawlus hakdaky maglumatlary
doly öwrenmek bahanasy bilen, ony ertir
mejlise getirmegi senden haýyş etmek
üçin dilleşdiler. 21Emma sen olaryň sö-
züne gulak asma, sebäbi kyrkdan gowrak
adam gizlenip, Pawlusa bukuda garaşýar.
Olar Pawlusy öldürýänçäk, iýip-içmeris
diýip kasam etdiler. Şu wagt olar taýýar
bolup, seniň razyçylygyňa garaşýarlar».
22Müňbaşy ol ýigidi ugradyp: «Muny
maňa habar bereniňi hiç kime aýtma-
gyn» diýip tabşyrdy.

### *Pawlus Kaýsariýa iberilýär*

23Onsoň müňbaşy ýüzbaşylaryndan
ikisini ýanyna çagyryp: «Agşam sagat
dokuzda Kaýsariýa gitmek üçin, iki ýüz
sany pyýada, ýetmiş sany atly esgeri
we iki ýüz naýzaçy taýynlaň. 24Pawlu-
sy hem ata mündürip äkidip, sag-aman
häkim Feliksiň ýanyna alyp baryň» di-
ýip tabşyryk berdi. 25Soňra müňbaşy
şeýle mazmunly hat ýazdy: 26«Çuňňur
hormatlanýan häkim Felikse Klawdiý
Lisiýasdan dogaýy salam! 27Ýahudylar
bu adamy tutup öldürjek bolup durkalar,
men onuň rimlidigini bilip, esgerlerim
bilen ýetişip, ony halas etdim. 28Onuň
näme aýybynyň bardygyny bilmek üçin,
ony ýahudylaryň ýokary mejlisine alyp
geldim. 29Men ony özleriniň dini kanuny
bilen bagly meselelerde aýyplaýandyk-
laryny bildim, emma onda ölüme ýa-da
tussag etmäge laýyk hiç hili esas ýok-
dur. 30Bu adama kast ediljek bolýandygy
baradaky habary alanymda bolsa, ony şo-
bada seniň ýanyňa ibermegi karar etdim.
Ony aýyplaýanlara-da öz şikaýatlaryny
saňa mälim etmeklerini buýurdym».
31Esgerler özlerine buýrulyşy ýaly,
Pawlusy alyp, gije Antipatrise getirdiler.
32Ertesi gün atly esgerler Pawlus bilen
bile ýollaryny dowam etdirdiler, beý-
lekiler bolsa gala dolandylar. 33Atlylar
Kaýsariýa gelenlerinde, haty häkime
gowşuryp, Pawlusy-da onuň eline tab-
şyrdylar. 34Häkim haty okap, Pawlusyň
haýsy welaýatdandygyny sorady. Paw-
lusyň Kilikiýadandygyny bilende bolsa:
35«Seni aýyplaýjylar gelensoň diňlärin»
diýdi. Soňra Pawlusyň Hirodyň köşgün-
de gözegçilik astynda saklanmalydygy
barada buýruk berdi.

## 24-nji bap

### *Pawlus Feliks häkimiň öňünde*

1 Bäş günden soň baş ruhany Hanany
birnäçe ýaşulular we Tertul atly garalaw-
jy bilen Kaýsariýa geldi. Olar Pawlusa
garşy şikaýatlaryny häkime ýetirmekçi-
diler 2-3 Pawlusy çagyryp getirenlerinde,
Tertul ony aýyplamaga başlady: «Belent
mertebeli Feliks! Seniň saýaňda biz
ençeme wagtdan bäri parahatçylykda
ýaşaýarys. Uzakdan görüjiligiň bilen
halkymyz üçin uly özgertmeleri ama-
la aşyrdyň. Biz muny hemme ýerde
we hemişe çuňňur minnetdarlyk bilen
tassyklaýarys. 4 Men seniň köp wagty-
ňy almakçy däl, öz mähremligiň bilen
biziň gysga habarymyza gulak asma-
gyňy haýyş edýärin. 5 Biz bu adamyň
dünýädäki ähli ýahudylaryň arasynda
gozgalaň turuzýan bir pitneçidigine
göz ýetirdik we ol Nasyra toparynyň
baştutany. 6-8 Ol hatda ybadathanany-da
harama çykarmaga synanyşdy. [a] Seniň
özüň hem bu adamy soraga çekip, biziň
ony nämede aýyplaýandygymyzy onuň
özünden anyklap bilersiň».
9 Ol ýerdäki ýahudylar hem aýdylan-
laryň dogrudygyny tassyklamak bilen
bu aýyplamalara goşuldylar.
10 Häkim Pawlusa gepläber diýip yşa-
rat edenden soň, ol söze başlady: «Seniň
köp ýyllardan bäri bu milletiň üstünden
kazylyk edýändigiňi bilýärin. Şonuň
üçin özümi seniň huzuryňda goraýandy-
gyma juda begenýärin. 11 Hudaýa sežde
etmek üçin Iýerusalime baranyma on iki
günden köp bolmandygyny özüň hem
anyklap bilersiň. 12 Bu adamlardan hiç
biri meniň ybadathanada biri bilen je-
delleşenimi, sinagogalarda ýa bolmasa
şäherde halky aýaga galdyranymy gören
däldir. 13 Olar maňa ýöňkeýän aýyplaryny
saňa subut edip bilmezler. 14 Emma saňa
şuny ykrar etmek bilen olaryň „galp tag-
lymat“ diýip atlandyrýan „Isanyň Ýoly“
toparyna degişlidigimi mälim edýärin.
Men ata-babalarymyzyň Hudaýyna
sežde edýärin. Töwratda we pygamber-
leriň ýazgylarynda ýazylan her bir söze
ynanýaryn. 15 Edil bu adamlar ýaly, men
hem dogrularyň-da, dogry dälleriň-de
ölümden direljekdigine Hudaýa umyt
baglaýaryn. 16 Şonuň üçin hem Hudaýyň
we ynsanlaryň öňünde wyždanymy he-
mişe päk saklamaga çalyşýaryn. 17 Meniň
Iýerusalimde bolmanyma ençeme ýyl
boldy, indi bolsa halkymyň garyplaryna
sadaka bermek üçin ol ýere geldim. 18 Bu
zatlar bilen meşgullanýarkam, olar meni
ybadathanada gördüler. Men tämizleniş
dessuryny berjaý edýärdim, ýanymda
hiç hili mähelle-de, gozgalaň-da ýokdy.
19 Emma ol ýerde Aziýa welaýatyndan
gelen käbir ýahudylar bardy. Olaryň
maňa garşy şikaýatlary bar bolsa, olaryň
özleriniň şu ýere gelip, meni seniň huzu-
ryňda aýyplamaklary gerekdir. 20 Ýa-da
bu ýerdäkiler ýokary mejlisiň öňünde
duranymda, menden näme jenaýat ta-
pandyklaryny, goý, aýtsynlar. 21 Olaryň
öňünde durup, belent ses bilen: „Ölüler
direlýär diýenim üçin bu gün siziň öňü-
ňizde höküm edilýärin“ diýdim. Mundan
başga meniň näme aýybym bar?»
22 «Isanyň Ýoly» atly topar dogrusyn-
da has takyk maglumaty bolan Feliks işi

---

[a] **24:6-8** Käbir golýazmalarda *Biz ony öz kanunymyz boýunça höküm etmekçidik,* 7 *emma müňbaşy Lisiýas gelip, güýç bilen ony elimizden aldy.* 8 *Ony aýyplaýanlara seniň huzuryňa gelmegi buýurdy* diýen sözler hem bar.

soňa goýup: «Dawaňyz hakda müňbaşy
Lisiýas gelenden soň karar çykararyn»
diýdi. 23 Feliks ol ýerdäki ýüzbaşa Paw-
lusy göz astynda saklamagy, emma oňa
biraz erkinlik bermegi, onuň mätäçlik-
lerine goldaw bermek isleýän dostlaryna
rugsat etmegi buýurdy. 24 Birnäçe günden
soň bolsa, Feliks öz ýahudy aýaly Drusil-
la bilen geldi-de, Pawlusy çagyrtdy we
Isa Mesihe bolan iman hakdaky onuň
gürrüňlerini diňledi. 25 Pawlus dogru-
lyk, özerklilik hem geljek höküm hakda
söhbet edende, Feliks gorkup: «Boldy,
häzirlikçe git, amatly pursat gelende, ýe-
ne seni çagyrdaryn» diýdi. 26 Şeýle hem,
Feliks Pawlusdan para tama edip, ony ýy-
gy-ýygydan çagyrdyp, onuň bilen söhbet
edýärdi. 27 Aradan iki ýyl geçenden soň,
Feliksiň ýerine Porkiý Festus häkim bol-
dy. Feliks ýahudylaryň göwnüni awlamak
üçin, Pawlusy tussaglykda goýup gitdi.

## 25-nji bap

### *Pawlus Festusyň öňünde*

1 Festus welaýata häkim bolup gelenden
üç gün soň, Kaýsariýadan Iýerusalime
gitdi. 2 Ol ýerde ýolbaşçy ruhanylar bilen
ýahudy baştutanlary Festusa Pawlusyň
üstünden şikaýat etdiler. 3 Festusdan
özlerine bir ýagşylyk etmegini sorap,
Pawlusy Iýerusalime getirmegi üçin
ýalbardylar. Aslynda olar buky gurup,
ýolda Pawlusy öldürmegiň niýetinde-
diler. 4 Festus olara şeýle jogap berdi:
«Pawlus Kaýsariýada tussaglykda, men
hem basym ol ýere gitjek. 5 Araňyzdaky
ýolbaşçylar meniň bilen bile barsynlar.
Eger Pawlus bir ýaman iş eden bolsa,
goý, ony aýyplasynlar».

6 Festus olaryň ýanynda sekiz-on gün
bolup, Kaýsariýa gaýtdy. Ertesi gün ol
kazylyk kürsüsine çykyp, Pawlusyň
getirilmegini buýurdy. 7 Pawlus içeri
girende, Iýerusalimden gelen ýahudylar
onuň daşyna üýşüp, ony aýyplap başlady-
lar, emma öz aýyplamalaryny subut edip
bilmediler. 8 Pawlus özüni gorap: «Men
ýahudylaryň kanunyna-da, ybadathana-da,
imperatora-da garşy günä etmedim» diýdi.
9 Festus ýahudylaryň göwnünden turmak
üçin, Pawlusdan: «Iýerusalime gidip, şol
ýerde bu babatda özüňe kazylyk edilme-
gini isleýärsiňmi?» diýip sorady. 10 Emma
Pawlus: «Men imperatoryň kazylyk kür-
süsiniň öňünde durun, maňa şu ýerde
kazylyk edilmelidir. Men ýahudylara
garşy hiç bir ýamanlyk eden däldirin, mu-
ny seniň özüň hem oňat bilýänsiň. 11 Men
ýamanlyk eden bolsam ýa-da ölüme laýyk
bir iş eden bolsam, ölümden gaçmaýaryn.
Eger bu adamlaryň maňa garşy aýypla-
malary ýalan bolsa, meni olaryň eline
tabşyrmaga hiç kimiň haky ýokdur. Men
dawamy imperatora arz edýärin» diýdi.

12 Onsoň Festus mejlis bilen masla-
hatlaşyp: «Dawaň barada imperatora
arz etdiň, imperatoryň ýanyna-da gi-
dersiň» diýdi.

13 Birnäçe gün geçenden soň, Agrip
patyşa öz uýasy Bernik bilen Festusy
gutlamak üçin, Kaýsariýa geldi. 14 Olar
köp wagt ol ýerde galanlaryndan soň,
Festus Pawlusyň işini patyşa gürrüň
berdi: «Feliksiň tussag edip goýan bir
adamy bar. 15 Men Iýerusalimdekäm,
ýahudylaryň ýolbaşçy ruhanylary, ýaşu-
lulary onuň üstünden şikaýat edip, ony
jezalandyrmagymy haýyş etdiler. 16 Men
olara: „Rimlileriň adaty boýunça hiç
kim sorag edilmezden jezalandyrmak
üçin şikaýatçynyň eline tabşyrylmaýar.
Aýyplanýany şikaýatçylary bilen ýüzleş-
dirip, oňa ýöňkelýän aýyp babatda özüni
goramaga mümkinçilik berilýär“ diýip
jogap berdim. 17 Aýyplaýjylar bu ýere

üýşenlerinde bolsa, men wagty elden
bermän, ertesi gün kazylyk kürsüsine
çykyp, Pawlusyň getirilmegini buýurdym.
18 Emma onuň garşysyna geplän şikaýat-
çylar oňa meniň garaşan aýyplarymyň
hiç birini ýöňkemediler. 19 Muňa derek
olaryň öz dinleri hem-de bir Isa atly ölüp
giden, emma Pawlusyň diri diýýän ada-
my barada jedelleri bar eken. 20 Men bu
meseläni nähili çözsemkäm diýip agyr
ýagdaýa düşdüm. Pawlusdan Iýerusalime
gidip, ol ýerde bu zatlar babatda özüne
kazylyk edilmegine razydygyny ýa-da
däldigini soradym. 21 Emma Pawlus da-
wasyny imperatoryň çözmegini, oňa çenli
tussaglykda bolmagyny isledi. Şonuň
üçin ony imperatoryň ýanyna ýollaýan-
çam, tussaglykda saklamagy buýurdym».
22 Agrip Festusa: «Men hem şol adamyň
gürrüňini diňlemek isleýärin» diýdi. Fes-
tus hem: «Ony ertir diňlärsiň» diýdi.

### *Pawlus Agribiň öňünde*

23 Ertesi gün Agrip we Bernik dabaraly
ýagdaýda gelip, müňbaşylardyr şäheriň
atly-abraýly adamlary bilen birlikde mej-
lisler otagyna girdiler. Festusyň buýrugy
boýunça Pawlusy getirdiler. 24 Festus
şeýle diýdi: «Eý, patyşa Agrip we bu
ýerdäki ähli jenaplar! Siz bu adamy gör-
ýäňizmi? Iýerusalimdäki we bu ýerdäki
ähli ýahudylar onuň üstünden maňa şi-
kaýat edip: „Ol mundan artyk ýaşamaly
däl!“ diýip gygyryşdylar. 25 Emma meniň
pikirimçe, ol ölüme laýyk iş etmändir.
Emma özüniň dawasy barada imperatora
arz edendigi üçin, ony Rime ýollamak
kararyna geldim. 26 Ol hakda onuň aly-
jenabyna ýazar ýaly belli bir zadym ýok.
Şonuň üçin-de ony siziň huzuryňyza,
ylaýta-da, eý, Agrip şa, seniň huzuryňa
çykardym. Bu meselä seredenimizden
soň, munuň netijesinde ýazmaga bir
zatlar tapmagym ahmal. 27 Sebäbi tus-
saga garşy ýöňkelýän aýyplamalary
görkezmezden, ony imperatoryň ýanyna
ýollamaklyk maňa manysyz görünýär».

## 26-njy bap

1 Agrip Pawlusa: «Özüňi goramak
üçin, söze başlap bilersiň» diýdi. Ine,
şonda Pawlus ellerini hereketlendirip,
özüni goramaga durdy: 2 «Eý, Agrip
patyşa! Ýahudylaryň maňa ýöňkeýän
ähli aýyplamalaryndan goranyp, bu gün
seniň öňüňde çykyş edýändigim üçin,
men özümi bagtly saýýaryn. 3 Senem
ýahudylaryň ähli adatlaryndan, jedelli
pikirlerinden oňat baş çykarýarsyň ahy-
ry. Şonuň üçin hem meni sabyrlylyk bilen
diňlemegiňi haýyş edýärin. 4 Ýaşlygym-
dan başlap, ilki öz halkymyň arasynda,
şeýle hem Iýerusalimde geçiren durmu-
şymy ähli ýahudylar bilýändirler. 5 Olar
meni köp wagtdan bäri tanaýarlar, eger
isleseler, maňa dinimiziň iň berk topary
boýunça fariseý bolup ýaşandygyma
şaýatlyk edip bilerler. 6 Edil şu wagt
hem Hudaýyň ata-babalarymyza beren
wadasyna umyt baglaýandygym üçin
kazyýetde durun. 7 Hakykatda, halky-
myzyň on iki tiresi gije-gündiz Hudaýa
çyn ýürekden sežde edip, bu wadanyň
berjaý bolmagyna umyt baglapdyr. Eý,
şahym, ýahudylar bolsa şu umyt üçin
meni aýyplaýarlar. 8 Näme üçin Hudaýyň
ölüleri direltmegini ynanyp bolmajak zat
hasaplaýarsyňyz? 9 Dogrusy, menem na-
syraly Isanyň adyna garşy köp ýamanlyk
etmegi öz ýanymdan wajyp bilýärdim.
10 Men bu ýamanlygy Iýerusalimde etdim
hem. Ýolbaşçy ruhanylardan ygtyýar
alyp, imanlylaryň köpüsini zyndana
dykdym. Olar ölüme höküm edilende,
muny iki elläp goldadym. 11 Men bir
sinagogadan beýlekisine aýlanyp, olary

gaýta-gaýta jezalandyrdym, imandan
dänmäge mejbur etdim. Olara garşy
gahar-gazaba münüp, hatda keseki şä-
herlere çenli olary yzarladym.
12Günleriň bir güni şu maksat bilen
ýolbaşçy ruhanylardan ygtyýarnama we
tabşyryk alyp, Damaska tarap ýola düş-
düm. 13Eý, şahym, günortanlar ýolda
barýarkam, birdenkä asmanda günden
hem ýagty nur gördüm. Nur meniň we
ýoldaşlarymyň daş-töweregine ýalkym
saçdy. 14Hemmämiz ýere ýykyldyk. Bir
sesiň maňa arameý dilinde: „Şawul,
Şawul! Näme üçin Meni yzarlap, azar
berýärsiň? Tekepbirligiň bilen özüňe
zeper ýetirmäňi bes et“ diýenini eşitdim.
15Men: „Agam, sen kim?“ diýip soradym.
Reb: „Men seniň yzarlap, azar berýän
Isaň. 16Hany, tur, aýak üstüne gal. Men
seni hyzmatkärim hem şaýadym edip saý-
lamak üçin saňa göründim. Sen öz gören
we Meniň görkezjek zatlaryma şaýatlyk
edersiň. 17Seni öz halkyňyň we keseki
milletleriň elinden azat ederin. Keseki
milletleriň gözlerini açaryň ýaly, Men
seni olaryň arasyna ibererin. 18Şonda
olar tümlükden nura, şeýtanyň hökmü-
rowanlygyndan Hudaýa tarap öwrülerler.
Maňa iman etmek arkaly olaryň günäleri
bagyşlanyp, olar Hudaýyň mukaddes hal-
ky bilen bile miras alarlar“ diýdi. 19Şonuň
üçin hem, eý, Agrip şa, men gökden gelen
görnüşe boýnuýogynlyk etmedim. 20Ilki
bilen Damaskda, Iýerusalimde, soňra
tutuş Ýahudyýada, şeýle hem, keseki mil-
letleriň arasynda: „Günäleriňiz üçin toba
ediň, Hudaýa dolanyň, toba edendigiňizi
oňat işleriňiz bilen subut ediň“ diýip wa-
gyz etdim. 21Şu sebäpden ýahudylar meni
ybadathanada tutup, öldürjek boldular.
22Emma şu güne çenli Hudaý maňa me-
det berdi. Şonuň saýasynda uludan-kiçä,
hemmelere şaýatlyk edip gelýärin. Boljak
zatlary öňden habar beren pygamberleriň
we Musanyň aýdanlaryndan başga hiç zat
öwreden däldirin. 23Olar hem Mesihiň
görgi görmelidigini, ilkinji bolup ölümden
direlip, Öz halkyna we keseki milletlere
Hudaýyň nuruny yglan etmelidigini aýan
edipdiler».
24Pawlus şeýdip, özüni gorap durka,
Festus gaty ses bilen: «Pawlus, sen dä-
liräpsiň! Okumyşlyk seni akylyňdan
azaşdyrypdyr» diýdi. 25Pawlus oňa:
«Eý, hormatly Festus, men akylymdan
azaşamok. Meniň aýdan sözlerim haky-
kat we akyla sygýandyr. 26Bu zatlardan
patyşamyň habarlydygy üçin, men oňa
arkaýyn gepleýärin. Bularyň hiç biriniň
ondan ýaşyryn däldigine men ynanýaryn,
sebäbi bular gizlin edilen däldir. 27Agrip
şa! Sen pygamberlere ynanýarsyňmy?
Ynanýandygyňy bilýärin-ä» diýdi. 28Ag-
rip Pawlusa: «Meni gysga wagtyň içinde
yryp, mesihi etjek bolýarsyňmy?» diýdi.
29Pawlus oňa: «Gysga bolsun, uzyn bol-
sun, diňe sen däl, eýsem, şu gün meni
diňleýänleriň bary meniň ýaly bolsun
diýip Hudaýa ýalbarýaryn. Elbetde, bu
zynjyrlar sizde bolmasyn» diýip jogap
berdi. 30Şundan soň Agrip şa, Festus
häkim, Bernik we olar bilen oturan-
lar ýerlerinden turdular. 31Olar çykyp
barýarkalar, özara gürleşip: «Bu adam
ölüme ýa-da tussaglyga laýyk hiç iş et-
mändir» diýişdiler. 32Agrip Festusa: «Bu
adam dawasyny imperatora arz etmedik
bolsady, ony azat edip bolardy» diýdi.

## 27-nji bap

### *Pawlus gämili Rime äkidilýär*

1Bizi deňiz arkaly Italiýa ibermegi ka-
rar etdiler. Şonda Pawlus bilen ýene-de
birnäçe tussagy Imperiýa goşunynda-
ky Ýuliý diýen ýüzbaşa tabşyrdylar.

2 Biziň hemmämiz Adramit şäherinden
gelen gämä münüp, Aziýa welaýatynyň
kenaryna tarap ýola düşdük. Ýanymyz-
da Salonikiden gelen makedoniýaly
Aristarh hem bardy. 3 Ertesi gün Sidon
şäherine gelip ýetdik. Ýuliý Pawlus bi-
len mylakatly boldy, şonuň üçin oňa
dostlarynyň ýanyna barmaga we ge-
rekli zatlaryny almaga rugsat berdi. 4 Ol
ýerden ýene deňziň üsti bilen gitdik.
Şemalyň garşymyzdandygy sebäpli Kipr
adasynyň demirgazyk tarapyndan, ony
penalap, ýüzüp geçdik. 5 Kilikiýa we
Pamfiliýanyň garşysyndaky deňizden
geçip, Likiýanyň Mira şäherine geldik.
6 Ýüzbaşy şol ýerde Isgenderiýadan gelip,
Italiýa gitjek bolup duran gämini tapdy
we bizi oňa mündürdi. 7 Biz ençeme gün-
läp haýal ýüzüp, kynçylyk baryny görüp,
Knidos şäherine ýetdik. Şemalyň bize
garşy öwüsýändigi üçin, Salmon ýarym
adasynyň ýanyndan geçip, Krit adasyny
penalap, ýüzüp gitdik. 8 Kenara golaý
ýüzüp, uly kynçylyk bilen Gözel dural-
galar diýen ýere geldik. Bu ýer Laseýa
şäherine golaý ýerleşýärdi. 9 Biz köp wag-
tymyzy ýitirdik. Indi deňizde ýüzmek
üçin howa örän howpludy, sebäbi güýz
ahyrlap barýardy. Pawlus olara masla-
hat berip: 10 «Jenaplar! Görýän welin,
indi deňizde ýüzsek, diňe bir ýükü-
miz, gämimiz däl, eýsem janymyz hem
howp astynda galar, agyr betbagtçylyga
uçrarys» diýdi. 11 Emma ýüzbaşy Paw-
lusyň maslahatyna gulak asman, gämi
ýolbaşçysy bilen gämi eýesiniň gepine
ynandy. 12 Ýöne düşelgede gyşlamaga hiç
hili şert bolmansoň, adamlaryň köpüsi,
başartsa, bu ýerden Fenikse ýetip, gyşy
ol ýerde geçirmegi karar etdiler. Feniks
Krit adada ýerleşip, günorta-günbatar we
demirgazyk-günbatar tarapdan öwüsýän
şemallardan penady.

### *Deňizdäki tupan*

13 Şeýlelikde, günorta şemaly ýuwaşja
öwüsmäge başlanda, olar öz maksatla-
ryna ýetendiris öýtdüler. Şonuň üçin
labyry çekdiler-de, Krit adanyň golaýy
bilen ýola düşdüler. 14 Emma köp wagt
geçmänkä, ada tarapdan «Demirgazyk-
gündogar» diýilýän güýçli ýel öwsüp,
tupan turdy. 15 Tupan gämä urlup, ne-
tijede, gämi şemalyň garşysyna ýüzüp
bilmedi. Şundan soň özümizi tolkun-
lara tabşyryp, şemalyň ugruna ýüzdük.
16 Biz Kawda diýen bir kiçijik adany
penalap ötdük. Gäminiň kiçi gaýygy-
ny zordan saklap galdyk. 17 Deňizçiler
gaýygy ýokary çekip aldylar we gämi
pytrap gitmesin diýip, daşyndan ta-
nap bilen berk bagladylar. Olar Sirtiň
çägeli saýlaryna batmakdan gorkup,
gäminiň tizligini peseltmek üçin ýel-
keni aşak düşürdiler. Şeýdip, gämini
şemalyň ugruna goýberdiler. 18 Biz
tupandan ýaňa ikiýana çaýkanýardyk.
Ertesi gün gäminiň ýüküni zyňmaga
başladylar. 19 Üçülenji gün gäminiň ar-
tykmaç enjamlaryny-da öz elleri bilen
deňze zyňdylar. 20 Ençeme günläp ne
Gün, ne ýyldyz göründi. Güýçli tupan
sowulmansoň, halas bolmak umydy-
myzy bütinleý ýitirdik.

21 Hiç kim uzak wagtlap hiç zat dat-
mady. Şonda Pawlus gämidäkileriň
ortasynda durup, şeýle diýdi: «Eý, adam-
lar! Meniň aýdanlaryma gulak asyp, Krit
adadan gaýtmadyk bolsadyňyz, onda
bu bela-betere sataşmazdyk. 22 Indi size
maslahatym şu: mert boluň! Hiç biriňiz
heläk bolmarsyňyz, diňe gämi dargar.
23 Sebäbi Özüne degişli bolup, gulluk
edýän Hudaýym düýn gije bir perişdesini
ýanyma iberdi. 24 Ol: „Gorkma, Pawlus!
Sen imperatoryň öňünde durmalysyň.

Sen sebäpli gämide barýanlaryň hemmesini Hudaý aman saklar“ diýdi. 25 Şonuň üçin, adamlar, mert boluň, sebäbi men Hudaýa ynanýaryn, hemme zat özüme aýdylyşy ýaly bolar. 26 Elbetde, ýel bizi bir ada eltip taşlar».

### *Gämi batýar*

27 On dördünji güni gije biz Adriatik deňzinde her ýana kowlup ýörkäk, ýarygije töwerekleri deňizçiler gury ýeriň ýakynlaşýandygyny çakladylar. 28 Çuňlugy ölçänlerinde, ýigrimi gulaç çykdy. Biraz soňrak ölçänlerinde, on bäş gulaç çykdy. 29 Gaýalara baryp urlarys öýdüp gorkup, arka tarapdan dört labyr atdylar-da, basym daň atsyn diýip dileg etdiler. 30 Deňizçiler gämiden gaçjak bolup, öň tarapdan labyr atmak bahanasy bilen, gaýygy deňze inderdiler. 31 Emma Pawlus ýüzbaşy bilen esgerlere: «Bular gämide galmasalar, siz diri galyp bilmersiňiz» diýdi. 32 Şeýlelikde, esgerler gaýygyň tanaplaryny kesip, ony aşak gaçyrdylar.

33 Daň atyp barýarka, Pawlus hemmäni nahar iýmäge çagyrdy. Ol: «Siziň gaýgy-alada batyp, hiç zat iýmäniňize bu gün on dört gün boldy. 34 Şonuň üçin sizden haýyş edýärin, naharlanyň. Bu siziň diri galmagyňyz üçin gerekdir. Hiç biriňiziň saçyňyzyň ýeke tary-da kemelmez» diýdi. 35 Pawlus bu sözleri aýdyp, eline çörek aldy, hemmäniň öňünde Hudaýa şükür etdi-de, bölüp iýmäge başlady. 36 Şeýlelikde, hemmeler ruhlanyp naharlandylar. 37 Gämide biziň jemimiz iki ýüz ýetmiş alty adamdy. 38 Nahardan doýanlaryndan soň, bugdaýy deňze taşlap, gämini ýeňletdiler.

39 Gün doganda, ol ýeri tanamadylar. Emma kenarda çägelik bir aýlag görüp, başartsa, gämini şol ýere sürmeli diýen karara geldiler. 40 Labyrlary kesip, deňze goýberen batlaryna, kürege daňlan tanaplary çözdüler-de, öňdäki ýelkeni şemala galdyryp, göni kenara tarap ýüzdüler. 41 Emma gämi bir saý ýere düşüp, çägä batdy. Gäminiň burny çägä batyp, hiç tarapa gymyldap bilmedi, arka tarapy bolsa gomlaryň zoruna dargap başlady. 42 Tussaglaryň hiç biri ýüzüp gaçmaz ýaly, esgerler olary öldürmekçi boldular. 43 Emma ýüzbaşy Pawlusy halas etmek isläp, olary bu niýetlerinden dändirdi. Olara ýüzüp bilýänler gämiden özlerini öňürti zyňsynlar we ýüzüp çyksynlar, 44 galanlary hem tagtalar ýa-da gäminiň döwükleri bilen çyksynlar diýip buýruk berdi. Şeýlelikde, ählisi sag-aman gury ýere çykdy.

## 28-nji bap

### *Pawlus Maltada*

1 Biz kenara sag-aman çykanymyzdan soň, bu adanyň adynyň Maltadygyny bildik. 2 Ýerli halk biziň bilen örän mylakatly boldy. Howa ýagyşly we sowuk bolansoň, olar ot ýakyp, hemmämizi oňat garşy aldylar. 3 Pawlus bir üýşmek odun çöpläp, oduň üstüne goýanda, bir zäherli ýylan oduň howrundan gaçyp, onuň eline ýapyşdy. 4 Ýerli halk onuň elinden ýylanyň sallanyp durşuny görende, biri-birine: «Bu adam ganhor bolsa gerek, ol deňizden halas bolsada, takdyry ony ýaşamaga goýmady» diýişdiler. 5 Emma Pawlus elini silkip, ýylany oduň içine zyňdy, hiç bir zyýan hem görmedi. 6 Adamlar onuň çişmegine ýa-da birdenkä ölüp ýykylmagyna garaşdylar. Emma köp garaşyp, oňa hiç zat bolmandygyny görenlerinde, pikirlerini üýtgedip: «Ol hudaýdyr!» diýişdiler.

7 Ol ýeriň golaýynda adanyň Publiý
atly başlygynyň mülki bardy. Publiý
bizi myhman alyp, üç günläp ýürekden
hyzmat etdi. 8 Şol wagt onuň kakasyny
ysytma we içagyry tutup ýatyrdy. Pawlus
hassanyň ýanyna geldi we doga-dileg
etdi-de, onuň üstüne elini goýup, şypa
berdi. 9 Bu wakadan soň, adadaky beýle-
ki hassalar-da gelip şypa tapdylar. 10 Olar
bize köp sylag-hormat etdiler. Ýola ug-
ramakçy bolanymyzda, bize zerur ähli
zatlary getirip, gämä ýüklediler.

### *Pawlus Rime gelýär*

11 Üç aýdan soň, biz Ekiz hudaýlar
atly gämi bilen deňze çykdyk. Bu gämi
Isgenderiýadan gelip, gyşda şol adada
galypdy. 12 Biz Sirakus şäherine baryp,
ol ýerde üç gün galdyk. 13 Ol ýerden aý-
lanyp, Regiýa gelip ýetdik. Ertesi gün
günorta şemaly öwsüp başlady. Munuň
kömegi bilen iki günde Puteýol şäherine
ýetdik. 14 Ol ýerde birnäçe doganlary
tapdyk. Olar bizden ýanlarynda galma-
gymyzy haýyş etdiler we biz ol ýerde
iki hepde galdyk. Şondan soň biz Ri-
me geldik. 15 Rimdäki doganlar biziň
gelendigimizi eşidip, bizi garşylamak
üçin ol ýerden Appiýus bazaryna we
Üç kerwensaraý diýen oba çenli gel-
diler. Pawlus olary görende, Hudaýa
şükür edip, ýene gaýrata galdy. 16 Biz
Rime gelenimizden soň, Pawlusa bir
esgeriň gözegçiligi astynda özbaşdak
ýaşamaga rugsat berildi.

### *Pawlus Rimde wagyz edýär*

17 Üç günden soň Pawlus ýahudyla-
ryň ýolbaşçylaryny çagyrdy. Olar bir
ýere üýşende, Pawlus olara şeýle diý-
di: «Eý, doganlar! Men halkymyza
ýa-da ata-babalarymyzyň adatlaryna
garşy hiç zat etmesem-de, Iýerusalimde
tussag edilip, rimlileriň eline tabşyryl-
dym. 18 Olar meni soraga çekenlerinden
soň, boşatjak boldular, sebäbi meni
öldürmäge hiç bir esas tapmadylar. 19 Em-
ma ýahudylar garşy çykanlarynda, men
dawamy imperatora arz etmäge mejbur
boldum. Beýtmek bilen men öz halkymy
aýyplamakçy däldirin. 20 Şu sebäpden
men siziň bilen görşüp, söhbet etmek
üçin, sizi bu ýere çagyrdym. Aslynda
men Ysraýylyň umydy bolan Mesih
ugrunda zynjyrlandym».

21 Olar Pawlusa şeýle diýdiler: «Biz
sen hakda Ýahudyýadan hiç bir hat
almadyk, ol ýerden gelen doganla-
rymyzdan hem hiç kim sen barada
ýagşydan-ýamandan hiç zat habar
bermedi. 22 Emma biziň seniň pikirle-
riňi özüňden eşidesimiz gelýär, sebäbi
hemme ýerde bu dini topara garşy
çykylýandygyny bilýäris».

23 Şeýlelikde, olar Pawlus bilen duşu-
şyk gününi belleşdiler. Şol gün onuň
bolýan ýerine juda köp adam geldi.
Pawlus ertirden agşama çenli olara
Hudaýyň Şalygyny düşündirip, wagyz
etdi. Mundan başga-da olary ynandyryp,
Töwrat bilen pygamberleriň ýazgyla-
ryndan Isa dogrusynda ynandyryjy
deliller getirdi. 24 Käbirleri onuň söz-
lerine ynandy, käbiri ynanmady. 25 Olar
biri-biri bilen özara ylalaşmadylar. Olar
gitmekçi bolup durkalar, Pawlus şeýle
diýdi: «Işaýa pygamber arkaly Mukad-
des Ruh ata-babalaryňyza şu sözleri
jaýdar aýdypdyr: 26 „Bar-da, bu halka
şeýle diý:

Eşidip dursaňyz-da, hiç
düşünmersiňiz,

---

**28:26** Işa 6:9-10.

seredip dursaňyz-da, hiç
aňlamarsyňyz.
27 Bu halkyň ýüregi küteldi,
gulaklary ker açdy,
gözleri gapyldy.
Ýogsam gözleri bilen görüp,
gulaklary bilen eşiderdiler,
aňlary bilen aňlap,
Maňa tarap dolanardylar,
Men hem olara şypa bererdim“.

28 Şonuň üçin indi şuny bilip goýuň:
Hudaýyň halas bolmak baradaky Hoş
Habary ýahudy dällere iberildi. Olar
gulak asarlar». [a]

30 Pawlus kireýine alan jaýynda tutuş
iki ýyl ýaşady we ýanyna gelenleriň
hemmesini kabul etdi. 31 Ol batyrgaýlyk
bilen we hiç bir bökdençsiz Hudaýyň
Şalygyny wagyz edip, Rebbimiz Isa
Mesih barada öwretdi.

---

[a] **28:28** Käbir golýazmalarda 29-njy aýat duş gelýär: *Pawlus muny aýdandan soň, ýahudylar öz aralarynda köp jedelleşdiler we bu ýerden gitdiler.*

# Ýakubyň haty

## Giriş

Ýakubyň bu haty dünýäniň dürli künjeklerinde Isa Mesihe eýerýän imanlylar üçin ýazylan amaly maslahatlaryň toplumyndan ybaratdyr. Ýakup adamyň imany onuň sözlerinde däl-de, hereketlerinde aýan bolýandygyny aýdýar. Ol birnäçe mysallar arkaly imany paýhasly we amaly hereketde görkezýär. Onuň maslahatlary aýdyň we anyk: eger garyp bolsaň, ruhdan düşme. Imanyň synalanda, çydamly bol. Gaharlanmakda haýal bol. Baý adama tarapgöýlik edip, garyby peseltme. Başgalara ýagşylyk et. Diliňe we höwesleriňe gözegçilik et. Özüňi Hudaýa tabşyryp, Onuň danalygyna bil bagla. Iblise garşylyk görkez. Ýagşylyk edýändigiň bilen öwünme. Eger baý bolsaň, baýlygyňy garyplara kömek etmek üçin ulan. Sabyrly we rehimli bol, Hudaýyň kömegine mätäç adamlar üçin doga-dileg et.

### *Mazmuny*

Salamlar ........ *1:1*
Iman we danalyk ........ *1:2-8*
Garyplyk we baýlyk ........ *1:9-11*
Synaglar we höwesler ........ *1:12-18*
Diňlemek we ýerine ýetirmek ........ *1:19-27*
Tarapgöýlik etmezlik ........ *2:1-13*
Iman we oňat işler ........ *2:14-26*
Diliňe gözegçilik etmek ........ *3:1-18*
Hudaýa tabyn bolmak ........ *4:1–5:6*
Dürli amaly maslahatlar ........ *5:7-20*

---

### 1-nji bap

1 Hudaýyň we Rebbimiz Isa Mesihiň
guly men Ýakupdan başga milletleriň
arasyna dargan Ysraýylyň on iki tiresine
dogaýy salam!

### *Iman we synaglar*

2 Eý, doganlar, her hili synaglara duçar
bolanyňyzda, muny uly şatlyk hasap
ediň. 3 Sebäbi imanyňyzyň synalmagy
bilen çydamlylygyňyzyň artýandygyny

bilýänsiňiz. 4 Her bir işde ahyryna çenli
çydaň, şonda kemsiz-köstsüz, berk we
kämil bolarsyňyz. 5 Eger kimde danalyk
kemlik edýän bolsa, goý, ol Hudaýdan
dilesin. Hemmelere biminnet we jomart-
lyk bilen berýän Hudaý oňa hem berer.
6 Emma ol adam şübhelenmän iman bilen
dilesin, sebäbi şübhelenýän adam edil
ýeliň eýläk-beýläk çaýkaýan deňiz tol-
kuny ýalydyr. 7 Şeýle adam Rebden bir
zat alaryn öýtmesin. 8 Ol her bir edýän
işinde durnuksyz hem ikigöwünlidir.

9 Pukara dogan Hudaýyň nazarynda
özüniň baýlygy bilen buýsansyn. 10 Baý
bolsa Hudaýyň nazarynda özüniň pes-
pälligi bilen buýsansyn. Çünki baýlyk
otuň güli deý solup gider. 11 Gün çykyp,
howurly yssysy bilen oty guradýar, onuň
güli dökülip, gözelligi ýok bolýar. Edil
şunuň ýaly baý hem öz işi bilen gümra
bolup, baýlygy bilen bile ýok bolup gider.

12 Synaga çydaýan adam bagtlydyr, se-
bäbi ol synagdan geçenden soň, ýaşaýyş
täjini alar. Hudaý bu ýaşaýyş täjini Ony
söýenlere wada berdi.

13 Pis höwesi bolan adam: «Meni Hu-
daý höweslendirýär» diýmesin, sebäbi
Hudaýda hiç hili pislik höwesi ýokdur,
Ol hiç kimi pislik etmäge höweslen-
dirýän däldir. 14 Tersine, her kim öz pis
höweslerine çolaşýandyr we aldanyp
synaga düşýändir. 15 Onsoň höwes göw-
reli bolup, günäni dogurýar, günä hem
ýetişip, ölümi dogurýandyr.

16 Eziz doganlar, aldanmaň! 17 Her bir
oňat we kämil peşgeş ýokardan, gök-
däki yşyklaryň Atasyndan gelýändir.
Ol hiç haçan üýtgeýän däldir, Onda
üýtgemekligiň ýokundysy hem ýok-
dur. 18 Ýaradanlarynyň arasynda Onuň
saýlan halky bolmagymyz üçin, Hudaý
hakykat sözi arkaly bize täze ýaşaýyş
bermegi karar etdi.

### *Hoş Habary diňlemek we ýerine ýetirmek*

19 Eý, söýgüli doganlarym, muňa üns
beriň: her bir adam eşitmekde çalt, gep-
lemekde assa, gaharlanmakda haýal
bolsun. 20 Sebäbi ynsan gahary Hudaýyň
isleýän dogrulygyny amala aşyryp bil-
mez. 21 Şonuň üçin hem ahlak hapalygyny
we her dürli ýamanlyk galyndysyny zy-
ňyp taşlaň-da, Hudaýyň kalbyňyza eken
sözüni pespällik bilen kabul ediň. Bu
söz janyňyzy halas etmegi başarýandyr.

22 Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp
goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine
ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz.
23 Kim sözi diňläp, ony berjaý etmeýän
bolsa, ol aýnada ýüzüni görýän adam
ýalydyr. 24 Ol özüni synlap gidenden
soň, şobada nähilidigini ýatdan çykar-
ýar. 25 Emma kim azatlyk berýän kämil
kanuna üns berip, eşidenlerini ýatdan
çykarman, gaýtam, ony berk berjaý
edýän bolsa, Hudaý ony her bir edýän
işinde ýalkar. 26 Eger kimde-kim özüni
dindar saýýan bolsa, emma dilini sak-
lamaýan bolsa, ol özüni aldaýandyr,
onuň dindarlygy biderekdir. 27 Atamyz
Hudaýyň nazarynda päk hem nogsansyz
dindarlyk ýetimleriň we dullaryň kyn
gününde aladasyny etmekden ybaratdyr.
Şeýle hem bu dünýäniň pisliginden özüňi
päk saklamakdyr.

## 2-nji bap

### *Tarapgöýlik etmäň*

1 Eý, doganlarym, şöhratly Rebbimiz
Isa Mesihe bolan imanyňyz sebäpli ta-
rapgöýlik etmekden saklanyň. 2 Aýdaly,
siziň ýygnagyňyza altyn ýüzük daky-
nyp, nepis eşikler geýnen baý adam
bilen köne-sana geýnen garyp adam

gelipdir. 3 Siz baý adama hormat goýup:
«Geliň, töre geçiň» diýseňiz, emma
garyba: «Sen ol ýerde dur» ýa-da «Bu
ýerde, aýak astynda otur» diýseňiz, 4 bu
siziň tarapgöýlik etdigiňiz bolmazmy?
Eger şeýle etseňiz, erbet pikirli kazy-
lara meňzärsiňiz.
5 Gulak asyň, eý, söýgüli doganla-
rym! Hudaý bu dünýäde garyplary
imana baý bolmaklary üçin saýla-
madymy? Hudaý Özüni söýýänlere
wada berşi ýaly, garyplary Şalygyny
miras almaklary üçin saýlamadymy
näme? 6 Emma siz garyplary masgara
edýärsiňiz. Ýogsam size sütem edýän
baýlar dälmi? Sizi kazyýete süýreýän
hem şolar dälmi? 7 Siziň degişli bolan
Hudaýyňyzyň beýik adyna dil ýetirýän-
ler hem baýlar dälmi näme? 8 Eger siz
Mukaddes Ýazgylardaky: «Ýakynyňy
özüňi söýşüň ýaly söý» diýen iň mö-
hüm buýrugy ýerine ýetirýän bolsaňyz,
dogry iş edýänsiňiz. 9 Emma adamla-
ra tarapgöýlik edýän bolsaňyz, günä
edýänsiňiz we Mukaddes Kanunyň
öňünde kanuny bozan hasaplanýan-
syňyz. 10 Kimde-kim kanunyň hemme
parzlaryny berjaý edip-de, diňe bir
zatda günä etse, tutuş kanuny bozan
hasaplanýandyr. 11 Sebäbi «Zyna et-
me» diýen Hudaý «Adam öldürme»
hem diýendir. Eger siz zyna etmeseňiz,
emma adam öldürseňiz, kanuny bozan
jenaýatkär bolýansyňyz.
12 Şonuň üçin hem, her bir gepiňiz
we hereketiňiz azatlyk berýän kanun
boýunça höküm ediljek adamlaryňky
ýaly bolsun. 13 Sebäbi rehimsiz adama
rehimsizlik bilen höküm ediler. Rehimli
adama bolsa rehimlilik bilen höküm
ediler.

### *Iman we oňat işler*

14 Eý, doganlarym! Araňyzdan biri
«imanym bar» diýibem, ony oňat işler
bilen görkezmese, munuň näme peýdasy
bar?! Beýle iman ony halas edip bilermi?!
15 Pikir edip görüň, imanly erkek ýa-da
aýal doganyňyzyň biri aç-ýalaňaç bolsa,
16 siz oňa iýmit, geýim bermän, diňe:
«Sag-aman bar, daşyňyň ýylap, garny-
ňyň doýmagyny dileýärin» diýseňiz,
bu sözüňiz oňa nämä derkar? 17 Iman
babatda hem şeýledir, eger iş ýüzünde
görkezilmese, ol öz-özünden ölüdir.
18 Käbiriniň: «Seniň imanyň bar, meniň
bolsa oňat işlerim» diýmegi mümkin.
Emma men aýdýaryn, hany, oňat işler
etmezden maňa imanyňy görkez, men
hem saňa imanymy oňat işlerim arkaly
görkezeýin! 19 Sen Hudaýyň ýeke-täkdi-
gine ynanýarsyň. Gowy edýärsiň! Muňa
hatda arwah-jynlar hem ynanýarlar we
galpyldaýarlar.
20 Eý, akmak, amalsyz imanyň peý-
dasyzdygyny [a] bileňokmy? 21 Atamyz
Ybraýym gurbanlyk sypasynda öz ogly
Yshagy hödürlemek bilen aklanmady-
my eýsem? 22 Seret, onuň imany bilen
amallary birlikde hereket etdi we imany
şu amalda kämil boldy. 23 Şeýlelik bilen,
Mukaddes Ýazgylardaky: «Ybraýym
Hudaýa iman etdi we Hudaý ony dogry
hasaplady» diýen söz amala aşdy. Ybra-
ýym Hudaýyň dosty diýip atlandyryldy.
24 Gördüňmi, ynsan diňe bir iman bi-
len däl, eýsem, eden işleri arkaly hem
aklanýandyr.

---

[a] **2:20** ***Peýdasyzdygyny*** – käbir golýazmalarda *ölüdigini*.

**2:8** Lew 19:18. **2:11** Msr 20:13-14; Kan 5:17-18. **2:21** Gçk 22:1-14. **2:23** Gçk 15:6.

25 Edil şunuň ýaly, loly Rahap hem
eden işi arkaly aklandy. Ol ysraýyl iça-
lylaryny öýünde gizläp, olara başga
ýoldan gaçyp gitmäge kömek etdi. 26 Edil
jansyz bedeniň öli bolşy ýaly, amalsyz
iman hem ölüdir.

### 3-nji bap

#### *Diliňize erk ediň*

1 Eý, doganlarym, hemmäňiz ýyg-
nakda öwrediji bolmaň! Sebäbi biz
öwredijileriň has berk hököme duçar
boljakdygymyzy bilýänsiňiz. 2 Biziň
hemmämiz hem köp günä edýäris.
Emma sözünde hata goýbermän, di-
lini jylawlap bilýän adam kämil bolup,
tutuş bedenine gözegçilik edip bilýän-
dir. 3 Biz atlaryň tabyn bolmagy üçin,
agzyna agyzzyryk dakyp, olaryň tutuş
göwresini dolandyrýarys. 4 Ine, gämile-
re serediň! Olar güýçli hem batly ýeller
bilen kowulsa-da, bir kiçijik kürek ar-
kaly sürüjiniň islän tarapyna öwrülýär.
5 Edil şunuň ýaly, dil hem bedeniň bir
kiçijik agzasy bolsa-da, beýik işler bi-
len öwünýändir. Pikir ediň, kiçijik bir
uçgun äpet tokaýy ýakyp köýdürýändir.
6 Dil hem bir otdur, beden agzalarynyň
arasyndaky ýamanlyk dünýäsidir. Ol
tutuş barlygyňyzy weýran edýändir,
dowzah ody bilen bütin durmuşyňyzy
köýdürýändir. 7 Ynsan her dürli haý-
wanlara, guşlara, süýrenijilere, deňiz
jandarlaryna diýenini etdirendir we
etdirýändir. 8 Emma hiç bir ynsan diline
diýen etdirip bilýän däldir. Dil gutar-
maýan pislik bolup, öldüriji zäherden
doludyr. 9 Dilimiz bilen biz Rebbimizi we
Atamyzy[a] alkyşlaýarys, şol bir wagtyň
özünde hem Hudaýyň keşbinde ýarady-
lan ynsanlary näletleýäris. 10 Alkyş we
nälet bir agyzdan çykýar. Eý, mähriban-
larym, bu beýle bolmaly däldir. 11 Heý-de,
bir bulagyň gözbaşyndan hem ajy, hem
süýji suw akarmy? 12 Doganlarym, injir
agajy zeýtun ýa-da üzüm agajy injir mi-
wesini berermi? Ýok! Edil şonuň ýaly,
şor suwly gözbaşdan süýji suw akmaz!

#### *Hakyky danalyk*

13 Araňyzda dana hem parasatly adam
barmy? Eger bar bolsa, goý, ol muny
dogry durmuşy we danalykdan çykýan
pespälligi bilen bitiren oňat işlerinde
görkezsin. 14 Emma kalbyňyzda bahyllyk
we men-menlik bar bolsa, onda danalyk
bilen öwünmäň. Bu aňrybaş ýalançy-
lyk bolar! 15 Beýle «danalyk» gökden
inen däldir, ol dünýewi bolup, ruhy däl-
dir, şeýtandandyr. 16 Çünki bahyllygyň,
men-menligiň bar ýerinde bidüzgün-
çilikler we her dürli pyssy-pyjurlyklar
hem bardyr.
17 Emma gökden inen danalyk ilki bilen
päklikdir, soňra parahatlyk söýüjilikdir,
mylaýymlyk we özara ylalaşyklykdyr.
Ol merhemetden we haýyrly işlerden
doludyr. Şeýle danalyk tarapgöýlik we
ikiýüzlülik etmeýär. 18 Parahatlyk dö-
redýänler parahatçylyk tohumyny sepip,
dogrulyk hasylyny orýarlar.

### 4-nji bap

#### *Hudaýa tabyn boluň!*

1 Araňyzdaky çaknyşykly gowgalar
we dawa-jenjeller nireden döreýär?

---

[a] **3:9** ***Atamyzy*** – käbir golýazmalarda *Ata Hudaýy.*

---

**2:25** Ýeş 2:1-21.

Kalbyňyzda söweş edýän pis höwesleri-
ňizden dälmi? 2 Siz isleýärsiňiz, emma
hiç zat gazanmaýarsyňyz; adam öldür-
ýärsiňiz, göriplik edýärsiňiz, emma hiç
bir maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz;
dawa-jenjeldir galmagal turuzýarsyňyz,
emma hiç zat gazanmaýarsyňyz, sebäbi
Hudaýdan dilemeýärsiňiz. 3 Diläniňiz-
de-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi
ýaman niýet bilen, öz nebsiňizi doýur-
mak üçin dileýärsiňiz. 4 Eý, biwepalar,
dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman
bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim
dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman
bolýandyr. 5 Siz Mukaddes Ýazgylar-
daky Hudaýyň bize beren [a] ynsanlyk
ruhy örän gabanjaňdyr diýlen sözler
boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi?
6 Emma Hudaý bize has beýik merhemet
berýär. Şoňa görä Mukaddes Ýazgy-
lar şeýle diýýär: «Hudaý tekepbirlere
garşydyr, emma pespäl adamlara mer-
hemet edýändir».

7 Şonuň üçin Hudaýa tabyn boluň!
Iblise garşylyk görkeziň, şonda ol siz-
den gaçar. 8 Hudaýa ýakynlaşyň, Ol
hem size ýakynlaşar. Eý, günäkärler,
eliňizi günäden tämizläň. Eý, ikigö-
wünliler, kalbyňyzy päkläň. 9 Gama
batyň, ýas tutup aglaň! Gülküňiz ýasa,
şatlygyňyz gam-gussa öwrülsin. 10 Reb-
biň huzurynda özüňizi pes tutuň, Ol
sizi beýgelder.

11 Eý, doganlar, biri-biriňizi ýaman-
lamaň. Kim doganyny ýamanlaýan
ýa-da ony ýazgarýan bolsa, ol Hudaýyň
kanunyny ýamanlap, ony ýazgarýan-
dyr. Kanuny ýazgarýan adam bolsa
ony berjaý ediji däl-de, oňa kazylyk
edijidir. 12 Emma Kanun Çykaryjy
we Kazy birdir, Ol halas etmegi-de,
heläk etmegi-de başarýandyr. Başga
adamlara kazylyk eder ýaly, sen kim
bolupsyň?

### *Tekepbirlik etmäň*

13 Indi: «Bu gün ýa ertir pylan şähe-
re gitjek, bir ýyly şol ýerde geçirjek,
söwda-satyk etjek, pul gazanjak» diý-
ýänler, maňa gulak asyň! 14 Ertir näme
boljagyny nireden bilýärsiňiz?! Siziň
ömrüňiz näme? Ol az salym görnüp,
soňra ýitirim bolýan säher çygy ýalydyr.
15 Muňa derek: «Reb oňlasa, ýaşarys,
ony ýa-da muny ederis» diýmelisiňiz.
16 Siz bolsa öz tekepbirligiňiz bilen
öwünýärsiňiz. Beýle öwünmeleriň
bary erbetlikdir. 17 Kim ýagşylyk et-
megi bilibem, ony etmeýän bolsa, ol
günä edýändir.

## 5-nji bap

### *Baýlara duýduryş*

1 Gulak asyň, eý, baýlar, başyňyza
injek betbagtçylyklar üçin perýat edip
aglaň! 2 Baýlygyňyz çüýräp, eşikleriňi-
zi güýe iýendir. 3 Altyndyr kümşüňiz
poslandyr, olaryň posy siziň garşyňy-
za şaýatlyk edip, bedeniňizi ot kimin
iýer. Siz ahyrky günlerde baýlyk top-
ladyňyz. 4 Ekinleriňizi oran orakçy-
lary aldap, iş hakyny bermediňiz, bu
şol pullaryň perýadydyr. Orakçylaryň
dady-perýady Hökmürowan Rebbiň
gulagyna ýetdi. 5 Siz bu dünýäde bol-
çulykda we keýpi-sapada ýaşadyňyz,
özüňizi kyýamat güni soýulmak üçin

---

[a] **4:5** ***Bize beren*** – käbir golýazmalarda *bizde mesgen tutan*.

---

**4:6** Sül 3:34.

semretdiňiz. 6Özüňize garşy çykma-
sa-da, bigünä adamy höküm edip
öldürdiňiz.

***Sabyr-takatly boluň!***

7Eý, doganlar, Reb gelýänçä, sabyr-
takatly boluň! Serediň, daýhan güýzki
hem ýazky ýagşa nähili sabyrly garaşýar.
Ol topragyň bol hasyl bererine garaşýar.
8Siz hem sabyr-takatly boluň! Mert bo-
luň, sebäbi Rebbiň geljek güni golaýlady.
9Eý, doganlar, özüňize höküm edilmez
ýaly, biri-biriňiziň garşyňyza şikaýat
etmäň. Ine, Kazy bosagada dur! 10Eý,
doganlar, başyna düşen ejirlerde sabyr-
takatly bolup, Rebbiň adyndan geplän
pygamberlerden görelde alyň. 11Bilşiňiz
ýaly, biz çydamlylyk görkezenlere bagt-
ly diýýäris. Siz Eýýubyň çydamlylygy
hakda eşidensiňiz, iň soňunda onuň
üçin Rebbiň nämeler edendigini-de bil-
ýänsiňiz. Hawa, Reb merhemetli we
rehim-şepagatlydyr. 12Ozaly bilen, eý,
doganlarym, höküm edilmeziňiz ýaly,
gökdenem, ýerdenem, mahlasy hiç zat-
dan ant içmäň. Jogabyňyz diňe «hawa»
ýa-da, «ýok» bolsun.

***Doga-dileg etmegiň güýji***

13Araňyzda biri ejir çekýärmi? Goý,
ol Hudaýa doga etsin. Biriniň keýpi
kökmi? Hudaýa alkyş nagmalaryny
aýtsyn. 14Araňyzda biri syrkawmy? Ol
ýygnagyň ýolbaşçylaryny ýanyna çagyr-
syn, olar hem Rebbiň adyndan oňa ýag
guýup, onuň üçin Hudaýa doga etsinler.
15Iman bilen edilen doga-dileg näsaga
şypa berer, Reb ony aýaga galdyrar. Eger
ol günä gazanan bolsa, onuň günäsi
geçiler. 16Şypa tapar ýaly, günäleriňizi
biri-biriňiziň ýanynda boýun alyp, biri-
-biriňiz üçin doga-dileg ediň. Dogruçyl
adamyň yhlasly dilegi güýçli we täsirlidir.
17Ylýas hem biziň ýaly adaty bir ynsandy.
Ol ýagyş ýagmasyn diýip, yhlas bilen
dileg etdi. Şeýlelikde, üç ýyl alty aýlap
ýer ýüzüne ýagyş ýagmady. 18Soňra ol
ýene dileg etdi we asmandan ýagyş ýa-
gyp, ýer hasyl berdi. 19-20Doganlarym,
şuny ýatda saklaň: eger araňyzdan biri
hakykat ýolundan azaşsa we başga biri
ony ýene ýola salsa, günäkäri dogry
ýola salan adam bir jany ölümden halas
edip, köp günäleriniň üstüni örtýändir.

**5:11** Eýp 1:21-22; 2:10. **5:17-18** 1Pat 17:1; 18:1,42.

# Petrusyň birinji haty

## Giriş

Petrusyň bu haty Rim imperiýasyna degişli welaýatyň (häzirki Türkiýäniň) dürli künjeklerinde ýaşaýan mesihilere niýetlenip ýazylandyr. Olaryň köpüsi Isa Mesihe eýerendikleri üçin köp ejirlere, sögülmelere sezewar edilýärdiler. Olaryň mundan-da köp ejirlere duçar bolmagy ahmaldy. Şoňa görä-de, Petrus bu hatynda jebir-jepalar barada köp zatlary aýdýar. Ol Rebbe hyzmat etmekde, imanda berk durmakda jebir-jepalaryň bolýandygyny aýdyp, bulary iman synagyndan geçmegiň bir usuly hasaplaýar. Petrus jebirlere duçar bolnanda ruhdan düşmän, «tersine, Mesihiň çeken ejirlerine şärik bolýan ýaly şatlanyň» diýip öwüt berýär (4:13). Ol imanlylara Isa Mesihiň hem jebir çekendigini ýatladýar. Imanlylar dogry işleri üçin ýenjilmelere we sögülmelere sezewar edilende, Isa Mesihiň görgülerine şärik bolýandyrlar. Petrus olara şeýle jebirlere çydamly bolmagyň imanlaryny ösdürýändigi we Isa Mesihiň gaýdyp geljek gününde hormata eýe boljakdyklary barada aýdýar. Bulardan başga-da, ol öz okyjylaryna Isa Mesihe degişli adamlar ýaly ýaşamagy ündeýär.

***Mazmuny***


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-2*
Täze ýaşaýyş umydy ........ *1:3-12*
Hudaýyň mukaddes halky ýaly ýaşamak ........ *1:13–2:17*
Isa Mesihiň jebir çekmekdäki göreldesi ........ *2:18-25*
Mesihiler we jebir-jepalar ........ *3:1–4:19*
Ýygnagyň ýolbaşçylaryna öwütler ........ *5:1-11*
Soňky salamlar ........ *5:12-14*


---

### 1-nji bap

***Salamlar***

1 Isa Mesihiň resuly men Petrusdan
Hudaýyň saýlanlaryna, ýagny Pontus,
Galatýa, Kappadokiýa, Aziýa we Bitini-
ýa welaýatlarynda dagynyk we gelmişek
bolup ýaşaýanlara dogaýy salam!
2 Siz
Atamyz Hudaýyň öňden eden kararyna
görä saýlandyňyz we Mukaddes Ruh
arkaly mukaddes halk bolduňyz. Hudaý
muny siziň Isa Mesihe tabyn bolup, Onuň
gany bilen päklenmegiňiz üçin etdi.
Goý, Hudaý size boldan-bol merhemet
we parahatlyk eçilsin!

### *Gökdäki mirasymyz*

3 Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa
öwgüler bolsun! Ol Öz beýik merhemeti-
ne görä, Isa Mesihiň ölümden direlmegi
arkaly bizi täze durmuşa we ýaşaýyş
umydyna gowşurdy. 4 Şeýle hem size
gökde saklanýan çüýremez, tegmiltsiz,
solmaz miras berdi. 5 Siz imanyňyz ar-
kaly Hudaýyň gudraty bilen tä halas
edilýänçäňiz goralýansyňyz. Bu gutulyş
ahyrky günlerde aýan bolmaga taýýar-
dyr. 6 Şonuň üçin hem muňa ýürekden
şatlanyň. Häzirki wagtda gysga wagtla-
ýyn synaglara duçar bolup, gam-gussa
batsaňyz-da, 7 bu synaglaryň siziň ima-
nyňyzy berkidýändigini biliň. Hatda
pany altyn hem otda saplanyp synalýan-
dyr. Şeýlelikde, altyndan has gymmatly
bolan imanyňyz synagdan geçip, Isa
Mesih aýan bolanda, size öwgi we şan-
şöhrat getirer. 8 Siz Mesihi görmedik
bolsaňyz hem, Ony söýýärsiňiz. Hatda
Ony görmeseňiz-de, Oňa iman edýärsi-
ňiz we söz bilen taryplap bolmajak beýik
şatlykdan dolup-daşýarsyňyz. 9 Sebäbi
imanyňyzyň maksadyna ýetip, janyňy-
zyň halas bolmagyny gazanýarsyňyz.

10 Pygamberler siziň üçin taýynlanan
bu halas bolmaklyga doly düşünmäge
çalyşdylar we bu merhemet dogrusynda
öň pygamberlik etdiler. 11 Olaryň kal-
byndaky Mesihiň Ruhy Onuň çekmeli
ejirleri we ejirlerden soňky şan-şöhraty
barada owaldan äşgär etdi. Olar bularyň
nähili we näwagt boljakdygy barada
Mukaddes Ruhuň näme görkezýändi-
gini aňlamaga çalyşdylar. 12 Şonda bu
habaryň pygamberler üçin däl-de, siziň
üçindigi aýan boldy. Häzirki wagtda
bolsa gökden berlen Hoş Habar size
Mukaddes Ruhuň gudraty bilen wagyz
edilýär. Bu zatlara hatda perişdeler-de
düşünmäge çalyşdylar.

### *Mukaddes ýaşaň*

13 Şonuň üçin hem ähli pikirleriňizi
bir ýere jemläp, hüşgär boluň. Isa Me-
sihiň gelmegi bilen özüňize beriljek
merhemete uly umyt baglaň. 14 Gulak
asyjy çagalar deý boluň, ozalky nadan
döwrüňizdäki höwesleriňize eýermäň.
15 Özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes
bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde
mukaddes boluň. 16 Sebäbi: «Mukaddes
boluň, çünki Men mukaddesdirin» diýlip
ýazylandyr. 17 Bütinleý ýüz görmez-
den, her kime eden işine görä höküm
çykarýan Hudaýy Ata diýip çagyrýan
bolsaňyz, bu dünýädäki wagtlaýyn
döwrüňizi Hudaýdan gorkup geçiriň.
18 Ata-babalaryňyzdan miras alan bu puç
durmuşyňyzdan altyn-kümüş ýaly pany
zatlar arkaly halas bolmandygyňyzy
bilýänsiňiz. 19 Tersine, Hudaýyň şikes-
siz hem tegmiltsiz gurbanlyk Guzusy
bolan Mesihiň gymmatly gany arkaly
halas edilensiňiz. 20 Mesih dünýä ýara-
dylmazdan öň bellenen hem bolsa, siziň
hatyraňyza bu döwrüň ahyrynda aýan
boldy. 21 Siz Mesih arkaly Hudaýa iman
etdiňiz. Hudaý Mesihi direldip, Ony
şöhratlandyrdy. Şeýlelikde, imanyňyz
we umydyňyz Hudaýdadyr.

22 Indi siz hakykata gulak asmak [a]
bilen özüňizi päklediňiz, çyn doganlyk
söýgüsine eýe bolduňyz. Şonuň üçin
biri-biriňizi çyn ýürekden söýüň. 23 Siz
wagtlaýyn tohumdan däl-de, eýsem,
ebedi tohumdan, ýagny Hudaýyň diri

[a] **1:22** ***Hakykata gulak asmak*** – käbir golýazmalarda *Mukaddes Ruh arkaly hakykata gulak asmak.*

hem baky galýan sözi arkaly täzeden
doguldyňyz. 24 Çünki:

«Ähli ynsan otluk kimindir,
onuň bar görki meýdan güli
kimindir.
Ot gurap gider, güli hem solar,
25 emma Rebbiň sözi ebedi galar».

Size wagyz edilen habar, ine, şudur.

## 2-nji bap

1 Şonuň üçin hem her hili ýaman niýeti,
hilegärligi, ikiýüzlüligi, bahyllygy, gy-
bat-gürrüňleri özüňizden aýryp taşlaň.
2 Ýaňy doglan bäbekler ýaly sap ruhy
süýdi küýsäň, şonda ösüp, halas bolar-
syňyz. 3 Sebäbi siz Rebbiň ýagşylygyny
dadyp gördüňiz.

### *Diri daşlar*

4 Siz ynsanlar tarapyndan ret edilen,
emma Hudaýyň nazarynda saýlanan
we gymmatly saýylan diri Daşa, ýagny
Isa Mesihe ýakynlaşýarsyňyz. 5 Şonuň
üçin siz hem diri daşlar ýaly ruhy bina
bolup gurluň. Şonda Isa Mesih arkaly
Hudaýyň halaýan ruhy gurbanlykla-
ryny hödürleýän mukaddes ruhanylar
bolarsyňyz. 6 Mukaddes Ýazgylarda
şeýle diýilýär: «Ine, Men Sionda bina
daşyny, saýlama we gymmatbaha burç
daşyny goýýaryn. Oňa bil baglan asla
utandyrylmaz». 7 Hawa, iman eden siziň
üçin bu daş gymmatlydyr. Emma iman
etmedikler üçin, «Ussalaryň ret eden
daşy, binanyň burç daşy boldy». 8 Şeýle
hem bu «büdreme daşy, ýykýan gaýa».
Olar öňden bellenişi ýaly, bu söze tabyn
bolmansoňlar büdreýärler.

9 Emma siz beýle dälsiňiz, çünki siz
saýlanyp-seçilen halksyňyz. Siz pa-
tyşanyň ruhanylary, mukaddes millet,
Hudaýa degişli halksyňyz. Hudaý sizi
garaňkylykdan Özüniň ajaýyp nuruna
çagyrdy. Siz Onuň şan-şöhratyny yg-
lan etmek üçin saýlanyp-seçilensiňiz.
10 Birwagtlar siz halk däldiňiz, emma
indi Hudaýyň halkysyňyz. Öňler siz
Onuň rehim-şepagatyndan mahrumdy-
ňyz, indi bolsa oňa gowşansyňyz. 11 Eziz
dostlar, janyňyza garşy söweşýän günäli
höweslerden gaça duruň diýip ýalbarýa-
ryn. Çünki siz bu dünýäde keseki hem
gelmişeksiňiz. 12 Imansyzlaryň arasynda
hiç hili müýnsüz ýaşaň. Şonda olar si-
zi nädogry iş etmekde aýyplasalar-da,
dogry işleriňizi görüp, Hudaýyň geljek
güni Ony şöhratlandyrarlar.

### *Ýolbaşçylara tabyn boluň*

13 Siz her bir ynsan häkimiýetine Reb-
biň haky üçin tabyn boluň. Ýurduň başy
bolan patyşa bolsun 14 ýa-da onuň bellän
emeldarlary bolsun, tapawudy ýok, olara
tabyn boluň. Patyşa öz emeldarlary-
ny ýamanlyk edenleri jezalandyrmaga,
ýagşylyk edenleri taryplamaga belledi.
15 Sebäbi Hudaýyň islegi siziň ýagşy-
lyk edip, akylsyz nadanlaryň agzyny
ýumdurmagyňyzdyr. 16 Azat adam ýaly
ýaşaň, emma öz azatlygyňyzy erbetlik
etmek üçin ulanmaň. Hudaýyň gullary
dek ýaşaň. 17 Hemmelere hormat goýuň.
Imanly doganlaryňyzy söýüň, Hudaýdan
gorkuň, patyşany sylaň.

18 Eý, hyzmatkärler, diňe bir mähirli
hem ýumşak hojaýynlaryňyza däl-de, eý-
sem, ýowuz hojaýynlaryňyza-da hormat
goýup, tabyn boluň. 19 Eger kim nähak
ýere ejir çekip, Hudaýy tanaýandygy
üçin bu görgülere çydaýan bolsa, ol adam

**1:24-25** Işa 40:6-8. **2:4** Zeb 117:22; Işa 28:16. **2:6** Işa 28:16. **2:7** Zeb 117:22.
**2:8** Işa 8:14. **2:9** Msr 19:5-6.

Hudaýy hoşnut eder. [20] Eger eden nädogry
işiňiz üçin ýenjilmelere döz gelýän bolsa-
ňyz, bu size näme hormat getirer? Emma
ýagşylyk edibem ýene ejir çekseňiz we
muňa çydasaňyz, Hudaý mundan has
köp razy bolar. [21] Ine, siz şunuň üçinem
çagyryldyňyz, sebäbi Mesih siziň üçin
ejir çekdi. Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol
size görelde boldy. [22] «Ol hiç hili günä et-
medi, agzyndan bir ýalan söz çykmady».
[23] Ol sögülende sögmedi, ejir çekende
hiç kime howp salmady. Muňa derek
Özüni adyl höküm çykarýan Hudaýa
tabşyrdy. [24] Biziň günä garşy ölüp, dog-
ruçyllyk ugrunda ýaşamagymyz üçin, Ol
haçda günälerimizi Öz üstüne ýükledi.
Siz Onuň ýaralary arkaly şypa tapdy-
ňyz. [25] Siz goýunlar ýaly azaşypdyňyz,
emma indi janyňyzyň Çopanyna hem
Gözegçisine dolanyp geldiňiz.

## 3-nji bap

### *Är-aýal gatnaşygy*

[1-2] Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz
hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz
Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol
aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup
ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir
aýdyp-diýmezden imana geler. [3] Siziň
gözelligiňiz örülen saçlar, dakylan altyn-
lar, owadan eşikler ýaly daşky görnüşden
ybarat bolmasyn. [4] Tersine, kalbyňyzdaky
ýuwaş hem ýumşak ruh siziň solmaýan
içki gözelligiňiz bolsun. Bu Hudaýyň
nazarynda has gymmatlydyr. [5] Öňki
wagtlarda Hudaýa umyt baglap, ýürek-
lerini päk saklan aýallar hem özlerini
şeýle bezeýärdiler, olar ärine tabyndylar.
[6] Mysal üçin, Sara Ybraýyma tabyn bolup,
ony hojaýynym diýip atlandyrdy. Eger
siz hem ýagşylyk edip, hiç bir howpdan
gorkmasaňyz, Saranyň gyzlary bolarsy-
ňyz. [7] Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz
aýalyňyza hormat goýuň, onuň bilen öza-
ra düşünişip ýaşaň. Siz olaryň özüňizden
ejizdigini bilýänsiňiz, emma olar hem
siziň bilen Hudaýyň beren ýaşaýşyny
deň miras alandyrlar. Doga-dilegleriňiziň
bökdelmezligi üçin şeýle ediň.

### *Dogrulyk ugrundaky görgüler*

[8] Şeýlelikde, hemmäňiz pikirdeş, dert-
deş bolup, biri-biriňizi doganlyk söýgüsi
bilen söýüň. Rehim-şepagatly we pespäl
boluň. [9] Ýamanlyga ýamanlyk, sögünje
sögünç bilen gaýtargy bermän, tersine,
alkyş bilen jogap beriň, sebäbi siz şunuň
ýaly ýaşamaga çagyrylansyňyz. [10] Çünki:
«Döwran sürmegi isleýän bolsaň,
ýagşy günleri görmekçi bolsaň,
ýamanlykdan sakla sen öz diliňi
we hileli gepden – dodaklaryňy;
[11] ýamanlykdan aýryl, et sen
ýagşylyk,
parahatlyk agtar, yzyndan galma.
[12] Dogry adamlarda Rebbiň gözleri,
perýatlaryna açyk Onuň gulagy.
Ýöne Rebbiň ýüzi ýamanlyk
edýänlere garşydyr».
[13] Ýagşylyk etmäge jan etseňiz, size kim
ýamanlyk eder? [14] Siz dogrulyk üçin görgi
görseňiz hem bagtyýarsyňyz. Adamlaryň
size salýan howpundan gorkmaň, dowla
düşmäň. [15] Emma Mesihe Reb hökmünde
ýürekden hormat goýuň. Kalbyňyzdaky
umyt hakynda özüňizden hasabat soran
her bir adama hemişe jogap bermäge
taýýar boluň. [16] Muny mylaýymlyk we
edeplilik bilen berjaý ediň. Wyždanyňyzy
arassa saklaň, şonda siziň Mesihe degişli
dogry ýaşaýşyňyz barada gybat edenler

**2:22** Işa 53:9. **2:24-25** Işa 53:6,12. **3:10-12** Zeb 33:12-16.

sizi ýamanlap aýdan geplerinden utanarlar.
17 Eger Hudaýyň yradasy bilen ejir çekmeli
bolsa, ýamanlyk edip ejir çekmekden ýag-
şylyk edip ejir çekmek has gowudyr.

18 Isa Mesih hem bizi Hudaýa getirmek
üçin, biziň günälerimiz sebäpli bir gezek
öldi[a]. Özi dogry bolsa-da, günäkärler üçin
öldi. Ynsan ýaly öldürilse-de, Hudaýyň
Ruhy arkaly Ol direldildi. 19 Ol tussagdaky
ruhlara baryp, wagyz etdi. 20 Bu ruhlar
gadym zamanda Nuhuň gämisi ýasalyp
ýörkä, Hudaý heniz sabyr-takatlyk edip
garaşýarka, Oňa tabyn bolmadylar. Şol
gämide bolsa az adam, jemi sekiz adam
suw arkaly halas boldy. 21 Ine, bu suw
häzirki sizi halas edýän çümdürilişiň
nyşanydyr. Siz suwa çümdürileniňizde
bedeniňiziň kiri ýuwlandygy üçin däl-de,
Isa Mesihiň direlmegi arkaly päk wyždan
bilen Hudaýa tarap öwrülendigiňiz üçin
halas edildiňiz. 22 Isa Mesih göge çykyp,
Hudaýyň sagynda oturdy, ähli perişdeler,
ygtyýarlylar we güýçler Oňa tabyn boldy.

## 4-nji bap

### *Hudaý üçin ýaşamak*

1 Şunlukda, Mesihiň dünýäde ejir çe-
kişi ýaly, siz hem şeýle pikirler bilen
ýaraglanyp, muňa taýýar boluň. Sebäbi
Mesih üçin ejir çekmäge taýyn bolsaňyz,
günä etmekden ýüz öwrensiňiz. 2 Indi bu
bedendäki galan ýaşajak ömrüňizde yn-
sanyň islegine däl-de, Hudaýyň islegine
eýeriň. 3 Geçmişde butparazlyga uýup
ýaşanyňyz ýeterlikdir. Şol döwürleri siz
ahlaksyzlykda, haram keýp çekmek-
de, serhoşlykda, içgili keýpi-sapada we
ýigrenji butparazlykda geçirdiňiz. 4 Indi
bolsa şol öňki butparazlyk edýänler si-
ziň özleri bilen bile azgyn zynahorlyga
goşulmaýandygyňyza geň galyp, size
sögýärler. 5 Emma dirileriň hem, ölüleriň
hem üstünden höküm çykarmaga taýýar
duran Hudaýa olar hasabat bererler. 6 Şo-
nuň üçin hem Hoş Habar hatda ölülere-de
wagyz edildi. Olar hem ähli ynsanlar
ýaly durmuşynda eden işleri üçin höküm
edilen bolsalar-da, Hudaýyň Ruhy arkaly
ýaşap bilerler. 7 Ähli zatlaryň soňy ýakyn
geldi. Munuň üçin sagdyn düşünjeli bolup,
hüşgärlik bilen dileg ediň. 8 Ozaly bilen bi-
ri-biriňizi jandan söýüň, sebäbi söýgi köp
günäleriň üstüni örtýändir. 9 Zeýrenmez-
den birek-biregi myhman alyň. 10 Hudaý
siziň her biriňize dürli ruhy peşgeşler ber-
di. Olary biri-biriňize hyzmat etmek üçin
ulanyň. 11 Kim geplese, Hudaýyň sözleri
bilen geplesin. Kim hyzmat etse, Huda-
ýyň beren güýç-kuwwatyna görä hyzmat
etsin. Isa Mesih arkaly Hudaý ähli zatda
şöhratlansyn! Şöhrat we gudrat ebedilik
Onuňky bolsun! Omyn.

### *Mesih ugrunda ejir çekmek*

12 Mähribanlarym, sizi synamak üçin
başyňyza inen ot belasyna geň zada sa-
taşan ýaly haýran galmaň. 13 Tersine,
Mesihiň çeken ejirlerine şärik bolýan
ýaly şatlanyň. Onuň şöhraty aýan bolanda,
şatlygyňyzyň çägi bolmaz. 14 Mesihiň ady
sebäpli kemsidilýän bolsaňyz, bagtyýar-
syňyz, sebäbi Hudaýyň şöhratly Ruhy
sizde mesgen tutandyr.[b] 15 Ýöne sizden

---

[a] **3:18** ***Öldi*** – käbir golýazmalarda *ejir çekdi.*
[b] **4:14** Käbir golýazmalarda *Olar Oňa sögýärler, siz bolsa Ony şöhratlandyrýarsyňyz* di-
ýen jümle hem bar.

---

**3:20** Gçk 6:11–8:22.

hiç kim ganhor ýa ogry, başga bir jenaýat-
çy, ýa şugulçy bolup ejir çekmesin. 16 Kim
mesihi bolup ejir çekýän bolsa utanmasyn.
Ol bu at bilen Hudaýy şöhratlandyrsyn.
17 Çünki hökümiň Hudaýyň maşgalasyn-
dan başlanmaly wagty gelip ýetdi. Hököm
öňürti bizden başlansa, onda Hudaýyň
Hoş Habaryna tabyn bolmaýanlaryň soňy
näme bolar? 18 Eger dogry adam zordan
halas bolýan bolsa, onda hudaýsyzyň we
günäkäriň ahwaly niçik bolar? 19 Munuň
üçin Hudaýyň islegi bilen ejir çekýänler
ýagşylyk etmegini dowam etdirip, özleri-
ni sadyk Ýaradana tabşyrsynlar.

### 5-nji bap

#### *Ýaşululara we ýaşlara öwüt-ündewler*

1 Men Mesihiň çeken ejirleriniň şa-
ýady we Onuň aýan boljak şöhratynyň
şärigi hökmünde araňyzdaky özüm ýaly
ýolbaşçylardan şulary haýyş edýärin:
2 çopanlaryň öz sürüsine seredişi ýaly,
siz hem Hudaýyň özüňize ynananlary
barada alada ediň. Muny mejbury däl-de,
meýletinlik bilen ediň. Olara betnebislik
bilen däl-de, uly höwes bilen gözegçilik
ediň. 3 Gol astyňyzdakylara agalyk et-
mezden, ýagşy görelde görkeziň. 4 Şeýle
etseňiz, Baş Çopan aýan bolanda, solmaz
şöhrat täjini alarsyňyz.
5 Eý, ýaşlar, siz hem ýaşululara tabyn
boluň. Hemmäňiz biri-biriňiz bilen pes-
päl boluň, sebäbi «Hudaý tekepbirlere
garşydyr, emma pespäl adamlara mer-
hemet edýändir». 6 Hudaý sizi wagty
gelende beýgelder ýaly, Onuň gudratly
goly astynda özüňizi pes tutuň. 7 Ähli
gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň, se-
bäbi Ol siziň gamhoruňyzdyr. 8 Hüşgär
we oýa boluň. Duşmanyňyz iblis arlaýjy
arslan ýaly aýlanyp, awuny agtaryp
ýörendir. 9 Dünýäniň ähli ýerinde dogan-
laryňyzyň hem hut şunuň ýaly ejirlere
duçar bolýandyklaryny bilýändigiňiz
üçin, berk iman bilen iblise garşy duruň.
10 Bol merhemet eçilýän Hudaý sizi Me-
sih arkaly Öz ebedi şöhratyna çagyrdy.
Siz durmuşda ejir çekýän bolsaňyz hem,
Ol sizi dikelder, berkider, güýçlendirer
we sarsmaz bina edip gurar. 11 Güýç-
-gudrat ebedilik Onuňky bolsun! Omyn.

#### *Hoşlaşyk sözi*

12 Bu gysga hatymy size sadyk doga-
nym Silwan[a] arkaly ýazdym. Munuň
bilen sizi ruhlandyryp, Hudaýyň hakyky
merhemetine şaýatlyk etdim. 13 Siziň ýa-
ly saýlanyp-seçilen Babyldaky ýygnak
we doganymyz Mark size salam aýdýar.
14 Biri-biriňizi mähirli ogşap salamlaşyň.
Mesihe degişli bolan siziň hemmäňize
parahatlyk ýar bolsun![b]

[a] **5:12** ***Silwan*** – bu Silasyň beýleki ady.
[b] **5:14** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

**4:18** Sül 11:31. **5:5** Sül 3:34.

# Petrusyň ikinji haty

## Giriş

*Petrusyň ikinji haty* häzirki Türkiýäniň çäklerinde, belki, ondan hem uzakdaky çäklerde ýaşan mesihiler üçin ýazylypdy. Galp pygamberler we mugallymlar ýygnaklara täsirlerini ýetirip, Isa Mesihe eýerýän imanlylary hakykatdan azaşdyrmaga we azdyrmaga synanyşýardylar. Emma Petrus ýygnakdaky imanlylara Hudaý we Isa Mesih barada ilkibaşda öwredilen taglymata berk eýermegi tabşyrýar. Ol bu taglymatyň örän ygtybarlydygyny nygtaýar. Sebäbi bu taglymaty olara Isa Mesihi öz gözleri bilen gören we Onuň taglym berşini öz gulaklary bilen eşiden a damlar ýetiripdiler. Galp mugallymlar öz betpäl niýetlerini amala aşyrmak üçin hereket edenlerinde, mesihiler imanda berk durup, dogry ýaşamakda görelde bolmalydyrlar. Olar düşünjeli, sabyr-takatly bolup, özlerine erk etmegi başarmalydyrlar, Hudaýy we hemme adamlary söýýändiklerini görkezmelidirler.

Ýalan mugallymlaryň: «Isa Mesih gaýdyp gelmez» diýip imanlylary azdyrmagy Petrusy uly alada goýýardy. Ol imanlylara ýüzlenip, şeýle diýýär: *«Käbirleri Reb Öz beren wadasyny berjaý etmegi gijikdirýär diýip hasap etseler-de, Ol gijikdirmez. Reb siziň üçin sabyr edýändir, sebäbi Ol hiç kimiň heläk bolman, hemmeleriň toba etmegini isleýär»* (3:9).

### *Mazmuny*

Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-2*
Imanda we ýagşylykda ösüň ........ *1:3-15*
Hakykatda berk duruň ........ *1:16-21*
Galp mugallymlardan ägä boluň ........ *2:1-22*
Rebbiň gününe sadyklyk bilen garaşyň ........ *3:1-18*

---

### 1-nji bap

#### *Salamlar*

1 Isa Mesihiň guly we resuly men
Simun Petrusdan Hudaýymyz hem
Halasgärimiz Isa Mesihiň dogrulygy
arkaly biziň imanymyz ýaly gymmatly imana eýe bolanlara dogaýy salam!
2 Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda bol merhemet hem parahatlyk size
ýar bolsun!

### *Imandan dänmäň*

3 Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşa-
magymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize
gerek bolan ähli zady berdi. Ol muny
ýagşylyk we şöhrat bilen bizi Çagyrany
tanamagymyz üçin etdi. 4 Hudaý bize
juda gymmatly beýik wadalary berdi. Ol
bu wadalar arkaly siziň bu dünýädäki
erbet höweslerden döreýän azgynçylyk-
dan gaça durup, Özüniň tebigatyna şärik
bolmagyňyzy niýet etdi. 5-7 Şoňa görä-de,
imanyňyzda has hem berkemäge jan ediň.
Şeýdip, imanyňyzda ahlak päkligini, ah-
lak päkliginde bilimi, bilimde özerkliligi,
özerklilikde çydamlylygy, çydamlylykda
hudaýhonlygy, hudaýhonlykda mähriban-
lygy, mähribanlykda Hudaýyň söýgüsini
artdyrmaga dyrjaşyň. 8 Şu gowy häsiýet-
ler sizde bar bolsa we köpelse, onda siz
Rebbimiz Isa Mesihi tanamakda bikär
hem hasylsyz galmarsyňyz. 9 Kimde bu
häsiýetler ýok bolsa, ol uzagy görýän
däldir, hatda kördür, öňki günälerinden
tämizlenendigini unudandyr. 10 Şonuň
üçin hem, eý, doganlar, Hudaý tarapyndan
çagyrylanlaryň we saýlananlaryň ara-
syndadygyňyzy subut etmäge yhlas ediň.
Şeýle etseňiz, asla imandan dänmersiňiz.
11 Şonda Rebbimiz we Halasgärimiz Isa
Mesihiň ebedi şalygyna girmek hukugy
size boldan-bol eçiler.

### *Mukaddes Ýazgylardan öwreniň*

12 Siz bu zatlary bilseňiz-de, özüňizdäki
hakykatda berk dursaňyz-da, men bulary
size hemişe ýatladyp duraryn. 13 Men şindi
ýaşaýan wagtlaýyn çadyrymdan, ýagny
bedenimden gidýänçäm, bulary ýady-
ňyza salmak bilen siziň aňyňyzy oýaryp
durmagy dogry hasaplaýaryn. 14 Sebäbi
Rebbimiz Isa Mesihiň maňa bildirişi ýaly,
bu pany çadyrymdan basym göçmelidi-
gimi bilýärin. 15 Göçenimden soňam bu
zatlary elmydama ýada salmagyňyz üçin
jan ederin. 16 Size Rebbimiz Isa Mesihiň
gudrat bilen gelşi hakda habar berenimiz-
de, biz toslama ertekilere eýermedik. Biz
Onuň şan-şöhratyny öz gözümiz bilen
gördük. 17 Şan-şöhratly Hudaýdan Oňa:
«Bu Meniň söwer Oglumdyr, Men Ondan
gaty razydyryn» diýen ses gelende, Ogul
Atamyz Hudaýdan hormat we şöhrat kabul
etdi. 18 Onuň bilen bile mukaddes dagda-
kak, gökden gelen bu sesi biz hem eşitdik.
19 Şeýlelikde, pygamberleriň habary
biziň üçin ýene-de ynamdardyr. Tä Gün
dogýança we daň ýyldyzy kalbyňyza nur
çaýýança, tümlükde ýagty saçýan nur
deý oňa üns beriň! 20 Ozaly bilen şuny
bilip goýuň: Mukaddes Ýazgylarda-
ky pygamberlik sözleri pygamberleriň
öz düşünjesinden gelip çykan däldir.
21 Sebäbi hiç bir pygamber ynsan islegi
bilen welilik etmedi. Bu pygamberler
Mukaddes Ruh tarapyndan ugrukdy-
rylyp, Hudaýdan gelen sözleri aýtdylar.

## 2-nji bap

### *Galp mugallymlaryň pisligi*

1 Öňler halk arasynda galp pygamber-
leriň bolşy ýaly, siziň araňyzda-da galp
mugallymlar peýda bolar. Olar heläkleýji
we ýalan taglymatlar getirmek bilen, öz-
lerini ýesirlikden boşadan Rebbi-de inkär
ederler. Şeýdip, öz başlaryndan duýdansyz
bela-beter indererler. 2 Köp adamlar ola-
ryň azgynçylykly ýörelgelerine eýererler,
şolar sebäpli hakykat ýoluna dil ýetiriler.
3 Açgözlükden ýaňa bu galp mugallymlar
öz toslama hekaýatlary bilen siziň pulu-
ňyzy üterler. Şonuň üçin olaryň jezasy
gadymdan taýýar durandyr, heläkçiligi
bolsa gijikmez. 4 Hudaý hatda günä iş eden
perişdeleri-de aýamady. Höküm gününe

çenli saklansynlar diýip, olary zynjyrlap,
dowzahyň tüm garaňky girdabyna gabap
goýdy. 5 Hudaý gadymy dünýäni hem
aýamady. Ol hudaýsyzlar dünýäsini sil
aldyrdy, diňe dogruçyllygyň wagyzçysy
Nuhy we ondan başga ýedi kişini aman
galdyrdy. 6 Sodom we Gomora şäherlerini
ýakyp-ýandyryp weýran etdi we bulary
geljekde hudaýsyzlara näme boljakdygyny
bilmäge sapak bolsun diýip etdi. 7 Azgyn-
laryň ahlaksyz ýaşaýşyndan jebir çeken
dogruçyl Luty halas etdi. 8 Dogruçyl Lut
bu halkyň arasynda ýaşap, olaryň nähak
işlerini görüp-eşitmek bilen, öz dog-
ruçyl kalbynda günsaýyn ejir çekerdi.
9 Görşüňiz ýaly, Reb hudaýhon adamlary
synagdan nähili halas etmelidigini, ýa-
manlyk edýänleri bolsa höküm gününe
çenli jeza astynda nähili saklamalydygyny
bilýändir. 10 Aýratyn-da haram höwesleri-
ne kowalaşyp, Onuň hökmürowanlygyny
äsgermeýänleri-de näme etjegini Ol bil-
ýändir. Beýle adamlar batyrsyraýarlar,
tekepbirlenýärler we gökdäki güýçlere dil
ýetirmekden gorkmaýarlar. 11 Perişdeler
hatda bulardan has güýçli we gudratly
bolsalar-da, Hudaýyň huzurynda gökdäki
güýçlere dil ýetirmäge milt etmeýärler.
12 Emma bu adamlar düşünmeýän zatla-
ryna dil ýetirýärler. Olar awlanyp, ýok
edilmek üçin doglan düşünjesiz ýabany
haýwanlar we öz ugruna hereket edýän
mahluklar ýalydyrlar. Bular haýwanlar
ýaly-da ýok bolup giderler. 13 Olar öz eden
ýamanlyklaryna laýyk jezasyny alarlar.
Olar gündiziň güni keýp çekmekden
hyjuwlanýarlar. Bular masgara hem ýüzü-
garadyrlar. Siziň bilen nahar iýýän wagty
hem olar özleriniň hilegärliklerinden keýp
alýarlar. 14 Olaryň zynadan gözleri doýma-
ýar, hiç wagt günäni bes etmeýärler. Olar
durnuksyz kişileri duzaga düşürip azdyr-
ýarlar. Olaryň kalby açgözlüge ýugrulyp,
näletlenen adamlardyr. 15 Olar Begoryň
ogly Bilgamyň yzyna eýermek bilen, dog-
ry ýoly terk edip azaşdylar. Bilgam haram
ýol bilen pul gazanmagy halady. 16 Emma
onuň günäsi paş boldy. Dilsiz-agyzsyz
eşek ynsan dilinde gepläp, pygamberiň
tentekligine böwet boldy. 17 Bu adamlar
bolsa gurap galan çeşmedir, güýçli ýeliň
kowýan ümrüdir; dowzahda garaňky
tümlük şolar üçin saklanýandyr. 18 Olar
nädogry ýoldan ýaňy gaçyp gutulanlary
boş we gopbamsy sözleri bilen haram
keýpe hyjuwlandyryp, ynsan höwesleri
bilen olary duzaga düşürýärler. 19 Özleri
azgynlygyň guly bolubam, olara erkinli-
gi wada berýärler, sebäbi adam nämeden
ýeňilse, onuň guly bolýandyr. 20 Adamlar
Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihi
tanamak arkaly dünýäniň pisliklerinden
gaçyp gutuldylar. Eger olar mundan so-
ňam ýene şunuň ýaly işlere baş goşup,
günäniň guly bolsalar, onda olaryň soň-
ky ýagdaýy öňki ýagdaýyndan-da beter
bolar. 21 Dogrulyk ýoluny bilenden soň,
özlerine tabşyrylan mukaddes buýrugy
inkär edeninden bu ýoly asla bilmezlik
olar üçin has gowy bolardy. 22 Ine: «It
öz gusugyna dolanyp geler», şeýle hem:
«Ýuwnan doňuz ýene batga bulaşmaga
geler» diýen nakyllaryň hakykatdygyny
olar öz durmuşynda subut etdiler.

## 3-nji bap

### *Rebbiň güni*

1 Eý, söýgüli doganlar, indi size bu
ikinji haty ýazýaryn. Bu iki hatymda-da

**2:5** Gçk 6:11–8:22. **2:6-8** Gçk 19:16,24,29. **2:15-16** Çöl 22:5,7,21,23,28,30-31.
**2:22** Sül 26:11.

sagdyn pikirli bolmalydygyňyzy ýat-
latmak bilen düşünjäňizi oýarýaryn.
[2]Mukaddes pygamberleriň gadymýetde
aýdan habaryny we Rebbimiz Halas-
gäriň resullaryňyz arkaly size beren
buýrugyny ýadyňyza salmakçy. [3]Ähli
zatdan öňürti şuny biliň: ahyrky gün-
lerde öz betnebislerine çapýan bihaýa
ýaňsylaýjylar peýda bolar. [4]Olar: «Hany,
Rebbiň geljekdigi barada beren wadasy?
Ata-babalarymyz ölenden bäri hemme
zat owal-başda nähili ýaradylan bolsa,
şonuň ýaly hem dur» diýip ýaňsylarlar.
[5]Emma olar gögüň ezelden Hudaýyň sözi
arkaly ýaradylandygyny, ýer bolsa suw-
dan bölünip, suw bilen gurşalandygyny
bilgeşleýin ýatdan çykaran bolýarlar.
[6]Şeýle hem gadymy dünýä şol suw-sil
bilen weýran boldy. [7]Ine, häzirki ýer
bilen asman bolsa Hudaýyň sözi bilen
saklanyp, hudaýsyz adamlaryň höküm
we heläk ediljek gününe çenli ot üçin
taýýar dur. [8]Eý, söýgüli doganlar, bir
zady unutmaň: Rebbiň nazarynda bir
gün müň ýyl, müň ýyl bolsa bir gün
ýalydyr. [9]Käbirleri Reb Öz beren wa-
dasyny berjaý etmegi gijikdirýär diýip
hasap etseler-de, Ol gijikdirmez. Reb
siziň üçin sabyr edýändir, sebäbi Ol
hiç kimiň heläk bolman, hemmeleriň
toba etmegini isleýär. [10]Emma Rebbiň
güni gijeki ogry kimin geler. Şonda
asman uly güpürdi bilen ýiter, asman
jisimleri ýanyp dargar, ýer we onda
edilen ähli işler äşgär bolar. [11-12]Ähli
zat şeýdip dargajak bolsa, onda siziň
nähili adamlar bolmagyňyz gerek?
Hudaýyň gününe garaşyp, ony çalt-
landyryp, Hudaýyň päk ýörelgesine
eýermegiňiz gerek. Ol gün asman ýa-
nyp ýok bolar, asman jisimleri ýanyp
erär. [13]Emma biz Hudaýyň wadasyna
esaslanyp, dogrulygyň mekany bolan
täze asmana we täze ýere garaşýarys.
[14]Şoňa görä-de, eý, söýgüli doganlar,
bulara garaşýandygyňyz üçin, Hudaýyň
nazarynda parahatlykda ýaşap, päk we
aýypsyz bolmaga jan ediň. [15]Şeýle hem
şuny ýatda saklaň, Rebbimiz siziň halas
bolmagyňyz üçin sabyr edýär. Söýgüli
doganymyz Pawlus hem özüne berlen
akyldarlyk boýunça size bu hakda ýa-
zypdy. [16]Ol ähli hatlarynda şular barada
gürrüň açýandyr. Olarda ýazylanlaryň
käbirine düşünmek kyndyr. Nadan hem
durnuksyz adamlar bu ýazylanlary we
beýleki Mukaddes Ýazgylary ýoýmak
bilen özleri heläk bolýarlar. [17]Şonuň
üçin hem, eý, söýgüli doganlar, bu zat-
lary öňden bilýändigiňiz üçin, hüşgär
boluň! Imandan dänmeziňiz ýaly, az-
gyn adamlar sizi ýoldan çykarmasyn.
[18]Rebbimiz we Halasgärimiz Isa Mesihiň
merhemetinde ösüň, Ony tanamakda
has-da ilerläň. Şindiden ebedä çenli
Oňa şan-şöhrat bolsun! Omyn.

**3:5-6** Gçk 1:6-8; 7:11. **3:8** Zeb 89:5.

# Ýohannanyň birinji haty

## Giriş

*Ýohannanyň birinji hatynyň* esasy iki maksady bar: awtor okyjylary Hudaý we Onuň Ogly Isa Mesih bilen ýakyn gatnaşykda bolmaga höweslendirýär we bu gatnaşygy weýran edýän galp taglymatlardan ägä bolmagy tabşyrýar. Sebäbi imanlylaryň käbiri galp mugallymlar tarapyndan aldawa salynýardy. Şeýle mugallymlar soňra ýygnakdan kowulýar. Olaryň ýalan taglymaty maddy zatlaryň ählisi ýaramaz, diňe ruhy zatlar gowy diýip öwredýärdi. Olaryň şeýle taglymaty Isa Mesih hakyky adam bolup bilmeýär diýip ykrar edýärdi. Galp mugallymlar ruhy taýdan kämil bolan adama ahlak kanunlaryna üns bermek ýa-da başgalary söýmek hökman däl diýip öwredýärdiler.

Ýohanna bu galp taglymaty puja çykaryp, Isa Mesihiň dogrudan-da adam bolandygyny aýdyň mälim edýär. Ol Isa Mesihe iman edýän we Hudaýy söýýän her kesiň Hudaýyň tabşyryklaryna gulak asmalydygyny nygtaýar. Ýohanna imanlylar üçin iň uly tabşyrygyň birek-biregi söýmekden, muny iş ýüzünde görkezmekden ybaratdygyny aýdýar. Sebäbi Isa Mesihiň Öz janyny biziň üçin gurban edip, bize bolan söýgüsini aýdyň görkezdi.

***Mazmuny***


Ýaşaýyş Sözi baradaky şaýatlyk .......... *1:1-4*
Nur we tümlük .......... *1:5–2:29*
Hudaýyň perzentlerini nädip saýgarmaly .......... *3:1-24*
Hakykat we ýalan .......... *4:1-6*
Birek-biregi söýmek .......... *4:7-21*
Ýeňiş getirýän iman .......... *5:1-21*


---

### 1-nji bap

***Ýaşaýyş Sözi***

1 Biz size owal-başdan bar bolan
Ýaşaýyş Sözi hakda habar berýäris.
Gulagymyz bilen eşidip, elimiz bilen
tutup, gözümiz bilen görenlerimizi yg-
lan edýäris. 2 Bu Ýaşaýyş aýan boldy, biz
Ony gördük. Atamyz Hudaý bilen bolan
bu baky Ýaşaýyş bize äşgär boldy. Indi
biz Ol barada şaýatlyk edip, Ony size
yglan edýäris. 3 Hawa, siziň-de biziň
bilen ýakyn gatnaşykda ýaşamagyňyz
üçin, görüp-eşidenlerimizi size mälim
edýäris. Biziň özümiziň hem Atamyz

we Onuň Ogly Isa Mesih bilen ýakyn
gatnaşygymyz bardyr. 4 Şatlygymyz[a]
dolup-daşsyn diýip, bulary size ýazýarys.

### *Nurdaky ýaşaýyş*

5 Biziň Isa Mesihden eşidip, size yg-
lan edýän habarymyz şudur: Hudaý
nurdur, Onda hiç tümlük ýokdur. 6 Biz
Onuň bilen ýakyn gatnaşykda ýaşaýan-
dygymyzy aýdyp-da, tümlükde gezýän
bolsak, onda ýalan sözleýändiris, ha-
kykaty berjaý edýän däldiris. 7 Emma
Hudaýyň nurda bolşy ýaly, biz hem
nurda gezýän bolsak, onda biri-birimiz
bilen ýakyn gatnaşygymyz bardyr. Onuň
Ogly Isanyň gany bizi ähli günäden
tämizleýändir. 8 Günämiz ýok diýsek,
onda biz özümizi aldaýandyrys, bizde
hakykat ýokdur. 9 Emma günälerimizi
boýun alsak, sadyk hem adalatly Hudaý
günälerimizi bagyşlar we bizi her hili
ýamanlykdan tämizlär. 10 Günä etmedik
diýsek, Hudaýy ýalançy edýändiris, kal-
bymyzda Onuň sözleri ýokdur.

## 2-nji bap

1 Eziz balalarym! Men size şulary gü-
nä etmezligiňiz üçin ýazýaryn. Emma
kimdir biri günä etse, Atanyň huzu-
rynda aklawçymyz Isa Mesih bar, Ol
adyldyr. 2 Ol biziň üçin gurban boldy.
Hudaý Ol arkaly biziň günälerimizi,
diňe biziň däl, eýsem, bütin dünýäniň
günälerini bagyşlady. 3 Eger Hudaýyň
buýruklaryny berjaý edýän bolsak, onda
Ony tanaýandygymyzy mälim edýäris.
4 «Hudaýy tanaýaryn» diýibem, Onuň
buýruklaryny berjaý etmeýän adam ýa-
lançydyr, onda hakykat ýokdur. 5 Emma
Hudaýyň sözüni berjaý edýän adamda
Onuň söýgüsi hakykatdanam kämildir.
Ine, biz Hudaý bilen ýaşaýandygymyzy
şeýdip bilýäris. 6 «Men Hudaýa sygynyp
ýaşaýaryn» diýýän adam Isa Mesihiň
ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyr.

7 Mähribanlarym, men size täze buýruk
däl-de, ilkibaşdan berlen köne buýrugy
ýazýaryn. Bu köne buýruk siziň öňki
eşiden sözüňizdir. 8 Emma meniň size
ýazýan bu buýrugyma täze diýseň hem
bolar, sebäbi bu buýrugyň hakykaty
Mesihde we sizde aýan bolýar. Çünki
tümlük ötüp barýar, hakyky nur bol-
sa eýýäm parlaýandyr. 9 Özüniň nurda
ýaşaýandygyny aýdyp-da, doganyny
ýigrenýän adam henizem tümlükde-
dir. 10 Doganyny söýýän adam nurda
ýaşaýandyr, onda büdremäge sebäp
bolup bilmez. 11 Ýöne kim doganyny
ýigrenýän bolsa, ol tümlükdedir. Ol
tümlükde gezip, nirä barýanyny bilýän
däldir, sebäbi tümlük onuň gözlerini
kör edendir.

12 Eý, balalar, size ýazýaryn: Mesihiň
hatyrasyna günäleriňiz bagyşlandy. 13 Eý,
atalar, size ýazýaryn: siz owal-başdan
aýan bolan Isany tanaýarsyňyz.

Eý, ýigitler, size ýazýaryn: siz şeýta-
ny ýeňdiňiz.

14 Eý, balalar, size ýazýaryn: siz Ata-
myz Hudaýy tanaýarsyňyz. Eý, atalar,
size ýazýaryn: siz owal-başdan aýan
bolan Isany tanaýarsyňyz.

Eý, ýigitler, size ýazýaryn: siz güýçlü-
siňiz, Hudaýyň sözi kalbyňyza ornandyr.
Siz şeýtany ýeňdiňiz.

15 Dünýä we ondaky zatlara köňül ber-
mäň. Dünýäni söýýän adamda Atanyň
söýgüsi ýokdur. 16 Sebäbi dünýädäki
ähli zatlar: günäli höwesler, açgözlük
we baýlyk bilen magtanmak Atadan
däldir, dünýädendir. 17 Dünýä we onuň

---

[a] **1:4 *Şatlygymyz*** – käbir golýazmalarda *şatlygyňyz.*

höwesleri geçer gider, emma Hudaýyň
yradasyny berjaý edýän adam baky ýaşar.

### *Mesihe garşy taglymat barada duýduryş*

18 Eý, balalar, bu dünýäniň ahyrky
günleri ýetip gelendir. Siz Mesihiň duş-
manynyň geljekdigini eşidensiňiz. Hut
şu wagt hem Mesihe garşy çykýanlaryň
ençemesi peýda boldy. Ine, bu wakalar-
dan biz dünýäniň ahyrky günleriniň
ýetip gelendigini bilýäris. 19 Olar biziň
aramyzdan gitdiler, aslynda-da bize
degişli däldiler. Degişli bolsadylar, bi-
ziň aramyzda galardylar. Emma çykyp
gitmekleri olaryň hiç biriniň bize degişli
däldigini äşgär etdi. 20 Siziň hemmäňiz
bolsa hakykaty bilýänsiňiz[a], çünki Isa
Mesih size Mukaddes Ruhy berdi. 21 Men
size hakykaty bilmeýändigiňiz üçin däl-
de, eýsem, ony hut bilýändigiňiz üçin
ýazýaryn, sebäbi hiç bir ýalanyň haky-
kat bilen umumylygy ýokdur. 22 Onda
ýalançy kim? Isanyň Mesihdigini inkär
edýän adam ýalançydyr. Ol Mesihiň
duşmanydyr! Ol Atany-da, Ogly-da in-
kär edýär. 23 Ogly inkär edýän adamda
Ata ýokdur. Emma Ogly ykrar edýän
adamda welin Ata bardyr.

24 Goý, siziň ilkibaşdan eşiden sözüňiz
kalbyňyzda ornasyn. Şonda siz Ogul bi-
lenem, Ata bilenem ýaşarsyňyz. 25 Çünki
Mesih bize baky ýaşaýşy wada berdi. 26 Bu
zatlary sizi azdyrjak bolýan adamlardan
habardar bolmagyňyz üçin ýazdym.

27 Emma Mesihiň size beren Mukaddes
Ruhy özüňizde galýandyr, size öwret-
megiň geregi ýok. Mukaddes Ruhuň
size öwredýän her bir zady ýalan däl-de,
hakykatdyr. Onuň size öwredişi ýaly,
Mesih bilen ýaşamalysyňyz. 28 Indi, eý,
balalar, Mesih gelende ynamymyz bolup,
Onuň huzurynda utanmaz ýaly, Onuň
bilen ýaşalyň. 29 Siz Mesihiň adyldygyny
bilýänsiňiz, şonuň üçin adalaty berjaý
edýän her bir ynsan Hudaýyň perzendidir.

## 3-nji bap

### *Hudaýyň perzentleri*

1 Atamyz Hudaýyň bizi nähili güýçli
söýýändigini bir görseňizläň! Ol bizi Öz
perzentleri diýip atlandyrýar. Dogrudan-
da, biz Onuň perzentleridiris! Dünýä
Hudaýy tanamansoň, bizi-de tanamaýar.
2 Mähribanlarym, biz indi Hudaýyň per-
zentleridiris. Biziň nähili özgerjekdigimiz
entek belli däl, emma Mesihiň geljek pur-
sadynda Oňa meňzejekdigimizi bilýäris,
sebäbi Ony bolşy ýaly göreris. 3 Oňa umyt
baglaýan her bir adam Mesihiň päk bolşy
ýaly, özüni päk saklar. 4 Günä edýän adam
Hudaýyň kanunyny bozýandyr. Sebäbi
günä etmek Hudaýa baş galdyrmak ahyry.
5 Mesihiň bolsa bizi günälerimizden sap-
lamak üçin gelendigini bilýänsiňiz. Onda
asla günä ýokdur. 6 Mesih bilen ýaşaýan
adam günäden ýüz öwrer. Emma heni-
zem günä edýän adam Ony ne görýändir,
ne-de tanaýandyr. 7 Eziz balalarym! Hiç
kime özüňizi aldatmaň! Mesihiň dogru-
çyl bolşy ýaly, dogry iş edýän adam hem
dogruçyldyr. 8 Günä edýän adam iblise
degişlidir, sebäbi iblis başlangyçdan bä-
ri günä edip gelýändir. Emma Hudaýyň
Ogly[b] iblisiň işlerini ýok etmek üçin

---

[a] **2:20** ***Siziň hemmäňiz bolsa hakykaty bilýänsiňiz*** – bu jümle käbir golýazmalarda *siz hemme zady bilýänsiňiz* diýip duş gelýär.

[b] **3:8** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

geldi. 9 Hudaýyň perzendi günä etmegini
dowam etmez, sebäbi oňa Hudaýyň ýa-
şaýyş berýän güýji ornandyr. Indi günä
etmez, sebäbi ol Hudaýyň perzendidir.
10 Kimiň Hudaýyň perzendidigi, kimiň
bolsa iblisiňkidigi şundan belli: dogry iş
etmeýän we doganyny söýmeýän adam
Hudaýdan däldir.

### *Biri-birimizi söýeliň*

11 Siz biri-birimizi söýmelidigimiz
barada owal-başdan eşidensiňiz. 12 Şeý-
tana degişli bolup, öz doganyny öldüren
Kabyl ýaly bolmalyň. Kabyl ony näme
üçin öldürdi? Sebäbi öz eden işleri pis-
likdi, doganynyňky bolsa dogrudy. 13 Eý,
doganlarym, eger dünýä sizi ýigrenýän
bolsa, geň galmaň. 14 Biz özümiziň ölüm-
den ýaşaýşa gowşandygymyzy bilýäris,
sebäbi doganlarymyzy söýýäris. Doga-
nyny söýmeýän adam ölümiň penjesinde
galýandyr. 15 Doganyny ýigrenýän adam
ganhordyr. Hiç bir ganhoryň bolsa baky
ýaşaýşa gowuşmaýandygyny bilýänsiňiz.
16 Isa Mesih biziň üçin Öz janyny pida
edende, biz hakyky söýginiň nämedigi-
ni bildik. Diýmek, biz hem doganymyz
üçin janymyzy pida etmäge taýýar bol-
malydyrys. 17 Dünýä malyna baý bolup,
doganyny mätäçlikde görende, oňa ýüre-
gi awamaýan adamda, heý-de, Hudaýyň
söýgüsi bolup bilermi? 18 Eziz balalar, ha-
kyky söýgimizi ýöne bir gury gep bilen
däl-de, iş ýüzünde amal bilen görkeze-
liň. 19-20 Şonda biz özümiziň hakykata
degişlidigimizi bileris we Hudaýyň hu-
zurynda biziň wyždanymyz päk bolar.
Eger wyždanymyz bizi ýazgaraýsa-da,
Hudaý ondan beýikdir, Ol hemme za-
dy bilýändir. 21 Mähribanlarym, eger
wyždanymyz bizi ýazgarmasa, onda
Hudaýyň huzurynda ynamly bolarys.
22 Ondan näme dilesek alarys, sebäbi biz
Onuň buýruklaryny berjaý edip, Ony
hoşnut edýän işleri edýändiris. 23 Biz
Onuň Ogly Isa Mesihe iman etmelidiris
we Isanyň buýruşy ýaly biri-birimizi
söýmelidiris. Bu Hudaýyň buýrugydyr.
24 Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän
adam Hudaý bilen, Hudaý hem onuň
bilen ýaşaýandyr. Hudaýyň biziň bilen
ýaşaýandygyny Onuň her birimize beren
Ruhundan bilýäris.

## 4-nji bap

### *Ruhlary saýgaryň*

1 Mähribanlarym, özünde Hudaýyň
Ruhunyň bardygyny aýdýan her bir
adama ynanyp ýörmäň. Olaryň Hu-
daýdandygyny ýa-da däldigini bilmek
üçin synagdan geçiriň. Sebäbi dünýäde
ençeme galp pygamberler peýda boldy.
2 Hudaýyň Ruhunyň bardygyny, ine,
şundan bilersiňiz: olar Isa Mesihiň, ha-
kykatdanam, ynsan bolup gelendigini
ykrar edýärler. 3 Muny ykrar etmeýän
adam Hudaýdan däldir. Bu adam Me-
sihiň duşmanydyr. Siz bu duşmanyň
geljekdigini eşidensiňiz. Ine, ol eýýäm
bu dünýädedir.
4 Eziz balalar, siz bolsa Hudaýdansy-
ňyz. Sizdäki Ruhuň dünýädäki ruhlardan
üstündigi üçin, siz galp pygamberleri
ýeňensiňiz. 5 Olar bu dünýä degişlidirler,
olaryň gepi hem bu dünýäniň garaýşyna
laýykdyr, şonuň üçin dünýä olara gulak
asýar. 6 Biz bolsa Hudaýa degişlidiris.
Kim Hudaýy tanaýan bolsa, bize gulak
asar. Kim Hudaýdan bolmasa, bize gulak
asmaz. Hakyky Ruh bilen ýalan ruhy,
ine, biz şeýdip saýgarýarys.

### *Hudaý söýgüdir*

7 Mähribanlarym, biri-birimizi söýeliň,
çünki söýgi Hudaýdandyr. Kim söýýän

bolsa, Hudaýyň perzendidir, ol Huda-
ýy tanaýandyr. 8 Kim söýmeýän bolsa,
Hudaýy tanaýan däldir, sebäbi Hudaý
söýgüdir. 9 Bize Hudaýyň söýgüsi, ine,
şundan aýan boldy: Hudaý bize ýaşaýyş
bermek üçin, Özüniň ýeke-täk Ogluny
dünýä iberip, Öz söýgüsini aýan etdi.
10 Biz Hudaýy däl-de, ilki Hudaý bizi söý-
di. Ol biziň günälerimizi päklemek üçin,
Öz Ogluny gurbanlyk hökmünde iberdi.
Ine, hakyky söýgi şudur. 11 Mähribanla-
rym, Hudaý bizi şeýle söýendigi üçin,
biz hem biri-birimizi söýmelidiris. 12 Hiç
kim hiç haçan Hudaýy gören däldir. Em-
ma biz biri-birimizi söýýän bolsak, onda
Hudaý biziň bilen ýaşaýandyr, Onuň
söýgüsi kalbymyza ornaşandyr. 13 Hudaý
biziň bilen we biziň hem Hudaý bilen
ýaşaýandygymyzy Onuň her birimize
beren Ruhundan bilýäris. 14 Biz Atanyň
Öz Ogluny dünýäniň Halasgäri edip
iberendigini gördük we muňa şaýatlyk
edýäris. 15 Isanyň Hudaýyň Ogludygyny
ykrar edýän her bir adam Hudaý bilen,
Hudaý hem onuň bilen ýaşaýandyr. 16 Hu-
daýyň bize bolan çäksiz söýgüsine göz
ýetirip, bu söýgä ynanýarys.

Hudaý söýgüdir. Söýgüde ýaşaýan
adam Hudaý bilen, Hudaý hem onuň
bilen ýaşaýandyr. 17 Şeýlelik bilen söý-
gi bizde kämilleşip, kyýamat güni bize
ynam berer. Sebäbi biz bu dünýäde edil
Mesih ýaly ýaşaýarys. 18 Söýgüde gorky
ýokdur. Tersine, kämil söýgi gorky-
ny kowup çykarýandyr. Kim kyýamat
gününden gorkup ýaşaýan bolsa, onuň
söýgüsi kämil däldir. 19 Biz Hudaýy söý-
ýäris, sebäbi ilki Ol bizi söýdi. 20 Kim
«Hudaýy söýýärin» diýip hem, öz do-
ganyny ýigrenýän bolsa, ol ýalançydyr.
Özüniň görüp duran doganyny söýme-
ýän adam görmedik Hudaýyny söýüp
bilmez ahyry. 21 Hudaý bize: «Hudaýy
söýýän adam öz doganyny-da söýsün»
diýip buýruk berdi.

## 5-nji bap

1 Isanyň Mesihdigine ynanýan her bir
adam Hudaýyň perzendidir. Atany söý-
ýän adam Onuň perzendini-de söýýändir.
2 Biz Hudaýyň perzentlerini söýýändi-
gimizi nädip bilýäris? Hudaýy söýüp,
Onuň buýruklaryny berjaý edýänligi-
mizden bilýäris. 3 Hudaýy söýmek Onuň
buýruklaryny berjaý etmekdir. Onuň
buýruklary bolsa agyr däldir. 4 Çün-
ki Hudaýyň her bir perzendi dünýäni
ýeňmegi başarýandyr. Biz dünýäniň
üstünden bu ýeňşi imanymyz arkaly
gazanýarys. 5 Eýsem dünýäni kim ýeňip
biler? Elbetde, Isanyň Hudaýyň Oglu-
dygyna iman edýän adam ýeňip biler!

6 Isa Mesih gelende, suwa çümdü-
rildi. Ol biziň üçin ganyny dökdi. Ol
diňe suwa çümdüriliş arkaly däl, eýsem
döken gany arkaly hem Özüni aýan
etdi. Mukaddes Ruh muňa şaýatdyr
we Onuň şaýatlygy hakykatdyr. 7 Şeý-
lelikde, üç şaýatlyk bar: 8 Ruh, suw we
gan. Bularyň üçüsiniň hem şaýatlygy
birdir. [a] 9 Biz ynsanlaryň şaýatlygyny
kabul edýäris, emma Hudaýyň şaýatlygy
has-da möhümdir. Sebäbi Hudaý hem
Öz Ogly hakynda şaýatlyk etdi. 10 Hu-
daýyň Ogluna iman edýände Hudaýyň
şaýatlygy bardyr. Kim Hudaýyň Öz Ogly
baradaky şaýatlygyna ynanmaýan bolsa,
ol Hudaýy ýalançy çykaryp, Oňa iman

---

[a] **5:8** Käbir golýazmalarda 7-nji we 8-nji aýatlar şeýle görnüşde gelýär: [7] *Şeýle, Gökde güwälik berýän üçdür: Ata, Söz we Mukaddes Ruh. Bularyň üçüsi hem birdir.* [8] *Ýerde güwälik berýän üçdür: Ruh, suw we gan. Bularyň üçüsi hem birdir.*

edýän däldir. 11 Hudaýyň şaýatlygy, ine,
şundan ybarat: Hudaý bize baky ýaşaýyş
berdi, bu ýaşaýşy Öz Ogly arkaly berdi.
12 Kim Hudaýyň Ogluna iman edýän
bolsa, onda ýaşaýyş bardyr, kim iman
etmeýän bolsa, onda ýaşaýyş ýokdur.

### *Baky ýaşaýyş*

13 Men muny size, Hudaýyň Ogluna
iman edenlere ýazdym. Şeýlelikde, şuny
bilip goýuň: Hudaýyň Ogluna iman
eden sizde baky ýaşaýyş bardyr. 14 Biz
Hudaýa bil baglaýarys, sebäbi Onuň
yradasyna görä näme dilesek, dilegi-
mizi eşidýändigini bilýäris. 15 Onuň
ähli dileglerimizi eşidýändigini bil-
ýän bolsak, Ondan dilän zadymyzy
aljakdygymyzy-da bilýändiris. 16 Eger
biri doganynyň ölüme eltmeýän günä
edýänini görse, goý, onuň üçin Hudaýa
ýalbarsyn. Hudaý oňa ýaşaýyş berer.
Muny ölüme eltmeýän günä edýänler
hakda aýdýaryn. Ölüme eltýän günä-
de bardyr. Beýle günä edýän adam
üçin Hudaýa ýalbaryň diýmeýärin.
17 Her ýamanlyk günädir, ýöne ölü-
me eltmeýän günä hem bardyr. 18 Biz
Hudaýyň perzentleriniň günä etmeýän-
digini bilýäris. Hudaýyň Ogly olary
goraýandyr [a], şeýtan olara el gatmaz.
19 Biz özümiziň Hudaýdandygymyzy,
bütin dünýäniň bolsa şeýtanyň golas-
tyndadygyny bilýäris. 20 Biz ýene şuny
bilýäris: hak Hudaýy tanap bilmegi-
miz üçin, Hudaýyň Ogly gelip, bize
akyl-paýhas berdi. Biz hak Hudaý we
Onuň Ogly Isa Mesih bilen ýaşaýarys.
Isa Mesih hak Hudaýdyr we baky ýa-
şaýyşdyr. 21 Eziz balalarym, özüňizi
butlardan goraň! [b]

[a] **5:18** ***Hudaýyň Ogly olary goraýandyr*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Hudaýyň perzendi özüni saklaýandyr* diýip duş gelýär.

[b] **5:21** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Ýohannanyň ikinji haty

## Giriş

*Ýohannanyň ikinji haty* ýaşuly tarapyndan «hormatly zenana we onuň çagalaryna» ýazylandyr. Alymlaryň çaklamagyna görä, awtor şeýle sözler bilen ýerli ýygnaga we onuň agzalaryna ýüzlenýär. Bu gysga hatda birek-biregi söýmek barada öwütündewler berilýär. Şeýle-de ýalan mugallymlardan we olaryň ýalan taglymatyndan ägä bolmalydygy barada duýdurylýär.

***Mazmuny***


Salamlar ........ *1:1-3*
Hakykat we söýgi ........ *1:4-6*
Hoşlaşyk sözi ........ *1:12-13*


---

### 1-nji bap

***Salamlar***

1 Men ýaşuludan Hudaýyň saýlap-
seçen hormatly zenanyna we onuň
çagalaryna dogaýy salam! Men sizi çyn
ýürekden söýýärin, diňe men däl, eýsem,
hakykaty bilýänleriň hemmesi-de sizi
söýýär. 2 Sebäbi hakykat kalbymyza or-
nandyr we ol ebedilik biziň bilen bolar.
3 Atamyz Hudaýyň we Ogly Isa Mesihiň
merhemeti, rehim-şepagaty, parahatlygy
hakykat we söýgi arkaly bize ýar bolsun!

***Hakykat we söýgi***

4-5 Eý, hormatly zenan! Atamyz Huda-
ýyň buýruşy ýaly, birnäçe perzentleriňiň
hakykata eýerip ýaşaýandygyny görüp,
gaty şat boldum. Indi saňa bir haýyşym
bar: biri-birimiz bilen söýgüde ýaşalyň.
Men saňa bir täze buýruk ýazamok,
bu ilkibaşdan bize mälim buýrukdyr.
6 Söýgi – bu Hudaýyň buýrugyna görä
ýaşamakdan ybarat. Owal-başdan eşi-
dişiňiz ýaly, Hudaý biri-biriňizi söýüp
ýaşamagy buýurdy.
7 Ençeme ýalançylar dünýä ýaýrady.
Olar Isa Mesihiň ynsan bolup gelendigini
inkär edýärler. Beýle adamlar ýalançy-
dyr, Mesihiň duşmanydyr. 8 Şonuň üçin
ägä boluň. Çeken zähmetiňizi ýele so-
wurman, onuň rähnetini doly görer ýaly,
berk duruň. 9 Ýoluny urduryp, Mesih
hakdaky taglymatdan daşlaşan adamda
Hudaý ýokdur. Emma bu taglymat bo-
ýunça ýaşaýan adamda Ata-da, Ogul-da
bardyr. 10 Eger kimdir biri ýanyňyza
gelende, Mesih hakdaky taglymaty ge-
tirmese, ony öýüňize salmaň, oňa salam

hem bermäň. [11]Oňa salam beren onuň erbet işlerine şärik bolýandyr.

### *Hoşlaşyk sözi*

[12]Size aýtmaly zatlarym köp, ýöne olary syýa, kagyz bilen ýazasym gelenok. Muňa derek ýanyňyza baryp, siziň bilen ýüzbe-ýüz gürleşeris diýen umydym bar. Şonda şatlygymyz dolup-daşar. [13]Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen uýaňyň çagalary hem size salam ýollaýarlar. [a]

[a] **1:13** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Ýohannanyň üçünji haty

## Giriş

Ýohanna bu hatynda dünýäniň dürli künjeklerine Isa Mesih baradaky Hoş Habary wagyz etmek üçin gidýän imanlylary goldamalydygyny ýatladýar. Hat ýygnagyň Gaýus atly ähmiýetli agzasyna ýazylandyr. Ol Hoş Habary başga ýerlere wagyz etmäge gidýän imanlylara örän köp kömek beripdir.

***Mazmuny***

Gaýusa ýüzlenme ........ *1:1-4*
Bile işlemegiň ähmiýeti ........ *1:5-12*
Soňky salamlar ........ *1:13-15*

---

### 1-nji bap

***Salamlar***

1 Çyn ýürekden söýýän eziz dostum
Gaýusa men ýaşuludan dogaýy salam.
2 Mähriban dostum, ruhuňyň belent bolşy
ýaly, ähli işleriň rowaçlansyn we ja-
nyň sag bolsun! 3 Doganlar gelip, seniň
sadyklyk bilen hakykata eýerip ýaşa-
ýandygyňy habar berenlerinde, meniň
şatlygymyň çägi bolmady. 4 Meniň üçin
perzentlerimiň hakykata eýerip ýaşaýan-
dyklaryny eşitmekden uly şatlyk ýokdur.

***Öwgüler we öwütler***

5 Eziz dostum, sen doganlara, hatda
özüňiň tanamaýanlaryňa-da sadyklyk
bilen hyzmat edýärsiň. 6 Olar seniň
mähirli söýgiň dogrusynda imanlylar
ýygnagynyň öňünde şaýatlyk etdiler.
Sen olary Hudaýa mynasyp usulda ýola
salsaň, ýagşy iş edersiň. 7 Olar Mesihiň
adynyň hatyrasyna ýola çykdylar we
diňe imandaky doganlarynyň ýarda-
myna bil baglamagy karar etdiler. 8 Biz
hakykat ugrunda bile işlär ýaly, şeýle
adamlary goldamaga borçludyrys.
9 Men imanlylar ýygnagyna bir hat
ýazypdym, ýöne olaryň arasynda başlyk
bolmagy halaýan Diýotref bizi kabul
etmeýär. 10 Şoňa görä-de, eger baraýsam,
onuň etmişlerini paş ederin. Ol biz bara-
da ýaramaz gep ýaýradyp, töhmet atýar.
Munuň bilen hem çäklenmän, doganla-
ry-da kabul etmeýär, kabul etjeklere-de
päsgel berip, olary ýygnakdan kowýar.
11 Mähriban dostum, sen ýamandan däl-
de, ýagşydan görelde al. Ýagşylyk edýän
adam Hudaýdandyr. Ýamanlyk edýän
adam bolsa Hudaýy tanaýan däldir.
12 Demetreý bolsa hemmeler tara-
pyndan sylanýan adamdyr, hakykatyň
özi muňa şaýatdyr. Biz hem ol hakda

ýagşy pikirdediris, gepimiziň hakykatdygyny özüň bilýänsiň.

### *Hoşlaşyk sözi*

13 Meniň saňa aýtmaly zatlarym köp,
olaryň hemmesini ýazyp oturjak däl,
baranymda hemmesini aýdaryn. 14 Seni
basymrak görüp, ýüzbe-ýüz gürleşeris
diýen umydym bar. 15 Sag-salamat bol!
Dostlarymyz saňa salam ýollaýarlar.
Ol ýerdäki dostlarymyzyň hemmesine
atma-at salam aýt.

# Ýahudanyň haty

## Giriş

*Ýahudanyň haty* özlerini Isa Mesihe eýerijiler diýip ykrar eden ýalan mugallymlar barada imanlylary duýdurmak maksady bilen ýazylandyr. Petrusyň ikinji hatynyň mazmunyna meňzeýän bu hat öz okyjylaryny: «Hudaýyň Öz halkyna ýeke gezek we baky tabşyran imany ugrunda göreşiň» diýip ruhlandyrýar.

***Mazmuny***


Salamlar ........ *1:1-2*
Ýalan mugallymlaryň häsiýeti, taglymaty we jezasy ........ *1:3-16*
Duýduryşlar we öwütler ........ *1:17-23*
Doga-dilegler ........ *1:24-25*


---

### 1-nji bap

***Salamlar***

[1]Isa Mesihiň guly we Ýakubyň dogany
bolan men Ýahudadan Hudaýyň halky
bolmaga çagyrylanlara dogaýy salam!
Bu haty Atamyz Hudaý tarapyndan
söýlüp [a], Isa Mesih arkaly goralýan size
ýazyp ýollaýaryn. [2]Goý, Hudaýyň çäk-
siz merhemeti, parahatlygy we söýgüsi
size ýar bolsun!

***Günä we höküm***

[3]Eý, söýgüli doganlar! Men size Huda-
ýyň meni we sizi nähili halas edendigi
barada ýazmagy juda makul bilýärdim.
Emma muňa derek Hudaýyň Öz halkyna
bir gezekde müdimilik tabşyran imany
ugrunda sizi göreşmäge ruhlandyryp
ýazmagymyň has-da wajypdygyna göz
ýetirdim. [4]Sebäbi käbir hudaýsyzlar
ogrynça araňyza sümlüp girdiler. Olar
Hudaýyň ajaýyp merhemeti bize az-
gynlyk etmäge ygtyýar berýär diýip
öwredýärler we ýeke-täk Hojaýynymyz
we Rebbimiz Isa Mesihi ret edýärler.
Şeýle adamlaryň jezasy gadymdan bäri
ýazylyp goýlandyr. [5]Bu zatlaryň ähli-
sini ozal bilýän hem bolsaňyz, muny
size ýatlatmakçy bolýaryn: Reb ysraýyl
halkyny Müsür gulçulygyndan azat etdi,
emma soňra iman etmedik adamlary ýok
edip taşlady. [6]Mertebelerini saklaman,
mesgen tutan ýerlerini terk eden periş-
deleri hem Ol tümlükde zynjyrlar bilen
ebedilik baglady. Olary elhenç kyýamat
gününe çenli şol ýerde saklaýar. [7]Şeýle-
de Sodom bilen Gomoranyň we olaryň
töweregindäki şäherleriň adamlary hem

---

[a] **1:1** ***Söýlüp*** – käbir golýazmalarda *päklenip.*

edil şol perişdeler ýaly hereket etdiler,
olar zynahorlyga köňül berip, azgynçy-
lyga ýüz urdular. Şonuň üçin olar ebedi
otda ýanmak jezasyny çekip, hemmelere
sapak boldular. 8 Muňa garamazdan,
araňyza sümlüp giren bu adamlar gö-
ren düýşlerine daýanyp, öz bedenlerini
haramlaýarlar. Hudaýyň hökmürowan-
lygyny ret edýärler, gökdäki perişdelere
sögýärler. 9 Emma hatda baş perişde
Mikaýyl Musanyň jesedi barada iblis
bilen çekeleşende, iblise garşy sögmä-
ge milt etmedi. Gaýtam, diňe: «Seni
Rebbiň Özi ýazgarsyn!» diýdi. 10 Emma
bu düýş görýän adamlar düşünmeýän
zatlaryna sögýärler. Olar edil haýwan-
lar ýaly, öz ugruna hereket edip, islän
zatlaryny edýärler, bu zatlar hem olary
heläk edýär. 11 Olaryň halyna waý! Olar
Kabylyň göreldesine eýerýärler. Bilgam
ýaly, pul üçin adamlaryň gözüni gap-
ýarlar. Kora ýaly baş galdyrandyklary
üçin heläk bolýarlar. 12 Bu adamlar siziň
üçin gorkunçdyr, olar öz garynlaryny
doýurmak üçin siziň bilen bir saçakda
iýip-içýärler. Şemal bilen kowlan ýag-
myrsyz bulutlar kimin, möwsüminde
miwe bermeýän daragtlar kimindirler.
Olar düýbünden goparylyp taşlanandyr-
lar, bütinleý ölüdirler. 13 Olaryň şer işleri
bulanyk suw tolkunlary ýaly äşgär bolýar
we özleri-de sergezdan ýyldyzlar kimin-
dir. Tüm garaňkylyk olar üçin ebedilik
saklanýar. 14 Adam atadan soňra ýedinji
nesil bolan Hanok hem bu adamlar hak-
da şeýle pygamberlik edipdir: «Ine, Reb
san-sajaksyz, müňlerçe perişdeleri bilen
gelýär. 15 Ol ähli adamzada kazylyk eder,
günä eden hudaýsyzlary höküm eder.
Hudaýsyzlaryň ýaramaz etmişlerini
we Oňa garşy küpür gepländikleri üçin
olary jezalandyrar». 16 Olar hemme zat-
dan nägile bolup, zeýrenip ýörenlerdir.
Diňe öz pis höweslerine eýerýändirler;
gopbamsy gürläp, öz bähbidini arap,
ikiýüzlülik edýändirler.

### *Duýduryşlar we nesihatlar*

17 Siz bolsa, eý, söýgüli doganlar, Reb-
bimiz Isa Mesihiň resullarynyň öňden
aýdanlaryny ýadyňyzda saklaň. 18 Olar
size: «Dünýäniň ahyrky günlerinde öz
ten höweslerini kanagatlandyrýan ýaňsy-
laýjylar peýda bolar» diýipdiler. 19 Bular
siziň araňyza bölünişik salyp, öz ynsan
düşünjelerine görä ýaşaýan adamlardyr
we Mukaddes Ruhdan mahrumdyrlar.
20 Emma siz, söýgüli doganlar, mukad-
des imanyňyza bil baglap, biri-biriňize
öwüt-ündew ediň. Mukaddes Ruhdan yl-
hamlanyp, doga-dileg ediň. 21 Rebbimiz
Isa Mesih Öz rehimdarlygy arkaly sizi
baky ýaşaýşa gowşurýança, Hudaýyň
söýgüsi bilen ýaşamagy dowam etdiriň.
22 Şübhelenýän adamlara rehim-şepa-
gatly boluň. 23 Başgalary gelejekki jeza
odundan halas ediň. Käbirlerine bolsa,
Hudaýdan gorkmak bilen rehim ediň,
ýöne hüşgär boluň, olaryň durmuşyny
harama öwren günäni ýigreniň.

### *Soňky doga-dilegler*

24 Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi
goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz
şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz
getirmegi başarýandyr. 25 Şonuň üçin
Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk
Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-
gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we
baky ýar bolsun! Omyn.

# Pawlusyň rimlilere haty

## Giriş

*Pawlusyň rimlilere haty* Rim şäherindäki imanlylar ýygnagyna ýazylandyr. Bu ýygnagyň agzalarynyň arasynda diňe ýahudylar däl, eýsem beýleki milletleriň hem wekilleri bardy. Şu hatyň ýazylan döwründe Pawlus Rime gitmegi ýüregine düwüpdi. Ol bu haty Rimdäki imanlylary özi we wagyz edýän Hoş Habarynyň taglymaty bilen tanyşdyrmak üçin ýazýar. Resul Pawlus Isa Mesih baradaky Hoş Habary Ispaniýada hem wagyz etmek üçin Rimdäki imanlylaryň goldawyna mätäçdigini öz hatynda agzaýar.

Pawlus özüniň heniz tanamaýan adamlaryna hat ýazyp, olara Isa Mesih we iman baradaky taglymatyň asyl manysyny, Hudaýyň halas edişini düşündirýär. Hatyň esasy pikiri şeýle sözlemde jemlenendir: *«Hoş Habar Hudaýyň adamlary aklaýandygyny aýan edýär. Ol iman edýänleri, hawa, diňe iman edýänleri aklaýar»* (1:17).

Bulardan başga-da, Pawlus ýahudylar bilen beýleki milletleriň özara gatnaşyklary, mesihiler bilen häkimiýet ýolbaşçylarynyň (13:1-7) gatnaşyklary barada köp ýazýar. Resul Pawlus Isa Mesihe iman edýän adamyň durmuşynyň düýpgöter özgerýändigi barada ýazýar. Ol şeýle adamyň Mukaddes Ruhdan dolýandygyny, durmuşynyň mesihilik söýgüsinden ylhamlanýandygyny aýratyn nygtaýar.

***Mazmuny***


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-17*
Hudaýyň öňünde hemmeler günälidir ........ *1:18–3:20*
Hudaý günälileri nädip aklaýar? ........ *3:21–4:25*
Imanly durmuşda ýaşamak ........ *5:1–8:39*
Hudaý ysraýyl halkyna tarap öwrülýär ........ *9:1–11:36*
Mesihiň Bedenindäki durmuş ........ *12:1–15:13*
Pawlusyň meýilleşdirýän saparlary we soňky salamlar ........ *15:14–16:27*

## 1-nji bap

### *Salamlar*

1 Isa Mesihiň guly we resullyga çagy-
rylyp, Hudaýyň Hoş Habaryny wagyz
etmäge saýlanan men Pawlusdan dogaýy
salam! 2 Hudaý Mukaddes Ýazgylarda Öz
pygamberleri arkaly bu Hoş Habary wa-
da berdi. 3 Bu Hoş Habar Hudaýyň Ogly[a]
Isa Mesih hakdadyr. Ol ynsan tebigaty
boýunça Dawudyň neslindendi. 4 Hudaý
Rebbimiz Isa Mesihi ölümden direldip,
Ony Mukaddes Ruhdan doldurdy. Şeý-
dip, Onuň Hudaýyň gudratly Ogludygy
tassyklandy. 5 Hudaý maňa Isa Mesih
arkaly merhemet berip, resullyga saýlady.
Ol muny ähli milletleriň Hudaýa iman
getirip, Oňa tabyn bolmagy, Isa Mesihiň
adynyň şöhratlanmagy üçin etdi. 6 Siz hem
Isa Mesihe degişli bolmaga çagyrylan
şol milletleriň arasyndasyňyz. 7 Men şu
hatymy size, Rimdäki doganlaryma ýaz-
ýaryn. Hudaý siziň hemmäňizi söýüp, sizi
Özüniň halky bolmaga çagyrdy. Goý, Ata-
myz Hudaýyň we Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemeti we parahatlygy size ýar bolsun!

### *Pawlus Rimdäki doganlary görmegi küýseýär*

8 Ilki bilen, Isa Mesih arkaly ähliňiz
üçin Hudaýyma şükürler edýärin, se-
bäbi imanyňyz baradaky habar bütin
dünýä ýaýrady. 9 Men Hudaýyň Ogly
baradaky Hoş Habary ýaýradyp, Hudaýa
jan-tenden hyzmat edýärin, siziň üçin gi-
je-gündiz dileg edýärin. Muňa Hudaýyň
hut Özi şaýatdyr. 10 Hudaýyň islegine
görä siziň ýanyňyza tizara baryp biler
ýaly, Ondan bir ýol açmagyny hemişe
soraýaryn. 11 Sizi örän göresim gelýär,
imanyňyzy berkitjek ruhy peşgeşleri
siziň bilen paýlaşasym gelýär. 12 Men
imanymyz arkaly biri-birimizi ruhlan-
dyrmagymyzy isleýärin. 13 Eý, doganlar,
şuny bilmegiňizi isleýärin: men beýleki
milletleriň arasynda bolşy ýaly, siziň
hem araňyzdaky hyzmatymyň hasylyny
göresim geldi. Şoňa görä-de, ýanyňyza
barjak bolup, telim gezek synanyşdym.
Emma şu wagta çenli ýanyňyza baryp
bilmedim. 14 Men medeniýetli ýa-da
medeniýetsiz, sowatly ýa-da sowatsyz
adamlara, garaz, hemmelere Hoş Haba-
ry wagyz etmäge borçludyryn. 15 Şonuň
üçin-de, size, Rimdäkilere hem Hoş
Habary wagyz etmegi küýseýärin.

### *Hudaýyň gahar-gazaby*

16 Men bu Hoş Habary wagyz etmekden
utanmaýaryn, sebäbi ol Hudaýyň güýjü-
dir. Hudaý bu Hoş Habar arkaly her bir
iman edeni: ilki bilen ýahudylary, soňra
ýahudy dälleri halas edýär. 17 Hoş Habar
Hudaýyň adamlary aklaýandygyny aýan
edýär. Ol iman edýänleri, hawa, diňe
iman edýänleri aklaýar. Çünki Mukaddes
Ýazgylarda: «Dogruçyl iman bilen ýaşar»
diýip ýazylgydyr. 18 Ýamanlyklary bilen
hakykaty bökdeýän adamlaryň hudaýsyz-
lygyna we ýamanlygyna garşy Hudaý Öz
gahar-gazabyny gökden aýan edýär. 19 Bu
adamlara Hudaý hakda bilip bolýan zat-
lar mälimdir, sebäbi Hudaýyň Özi bulary
olara mese-mälim etdi. 20 Hudaýyň göze
görünmeýän häsiýetleri: ebedi gudraty

---

[a] **1:3** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

**1:17** Hab 2:4.

we hak Hudaýdygy dünýä ýaradylaly bäri
Onuň ýaradan zatlaryndan mese-mälim
görünýändir. Şoňa görä-de, adamlaryň:
«Hudaý hakda bilmeýäris» diýmäge hiç
tutarygy ýokdur. 21 Olar Hudaý hakda
bilseler-de, Ony Hudaý hökmünde şöh-
ratlandyrmadylar, Oňa şükür etmediler.
Tersine, boş pikirlere ulaşyp, ýüreklerini
tümlük gaplady. 22 Olar özlerini akylly
saýyp, akmak boldular, 23 baky Hudaýa
sežde etmän, pany adamyň, guşlaryň
we süýrenijileriň keşbindäki butlara sež-
de etdiler. 24 Şonuň üçin Hudaý olary
ýürekleriniň günäli höwesleriniň eden-
etdiligine tabşyrdy. Şu sebäpden olar
biri-biriniň bedenlerini haýasyz işleri bi-
len wejera etdiler. 25 Olar Hudaý baradaky
hakykaty galp zatlara çalyşdylar. Ýara-
dana däl-de, ýaradylan zatlara sežde we
hyzmat etdiler. Emma baky şöhrata diňe
Ýaradan mynasypdyr. Omyn! 26 Hawa,
olar hakykaty ret edensoňlar, Hudaý ola-
ry özleriniň wejera höweslerine tabşyrdy.
Hatda aýallar hem tebigy jyns gatnaşygy-
ny ret etdiler. Olar tebigy bolmadyk jyns
gatnaşyklara ýüz urup, biri-birleri bilen
ýatyp turýarlar. 27 Şonuň ýaly, erkekler
hem aýal bilen jyns gatnaşygyny terk edip,
biri-birine bolan meýil heserine ýanýarlar.
Erkekler erkekler bilen ryswalyk edip, öz
azgynlyklaryna laýyk jeza alýarlar. 28 Bu
adamlar Hudaýy tanamalydyr öýtme-
diler. Şoňa görä-de, Hudaý olary azgyn
höweslerine tabşyryp, edilmesiz zatlary
etmeklerine ýol berdi. 29 Olaryň kalby her
tüýsli ýamanlykdan[a], adalatsyzlykdan,
açgözlükden we azgynlykdan doludyr.
Olar görip, ganhor, dawaçyl, ýalançy we
betpäldir. Olar gepçi, 30 töhmetçi, tekepbir,
öwünjeň bolup, Hudaýy ýigrenýärler,
ýamanlyk etmegiň her tüýsli ýollaryny
tapýarlar, ata-enelerine gulak asmaýar-
lar. 31 Olar doňýürek, pähimsiz, ähtiýalan
we rehimsizdir. 32 Olar Hudaýyň adalatly
Kanunyna görä şeýle işleri edýänleriň
ölüme mynasypdygyny bilseler-de, öz
edýän işlerinde ilerleýärler. Munuň bilen
çäklenmän, başgalaryň hem şeýle etme-
gini oňlaýarlar.

## 2-nji bap

### *Hudaýyň adyl hökümi*

1 Eý, başgalary ýazgarýan ynsan! Sen
kim bolsaň-da, şeýle etmäge asla hakyň
ýokdur. Sen başgalary ýazgarmak bilen,
öz-özüňi ýazgarýansyň. Sebäbi sen özüň-
de şeýle günäli işleri edýärsiň-ä! 2 Biz şeýle
iş edýänleriň Hudaýyň hökümine duçar
boljakdygyny bilýäris. Bu hüküm adalatly-
dyr. 3 Sen şeýle işleri edýänleri ýazgarmak
bilen, özüň-de şeýle etmeýärsiňmi näme?
Heý-de şundan soň Hudaýyň höküminden
syparyn öýdýärmiň? 4 Ýa-da sen Hudaýyň
çäksiz mähremligine, geçirimliligine,
sabyr-takadyna äsgermezlik edýärsiň-
mi? Onuň mähribanlygynyň seni toba
eltýändigine düşünmeýärsiňmi? 5 Ýöne
sen boýnuýogynlyk edip, günäleriňe toba
etmän, başyňdan injek gazaby toplaýarsyň.
Bu jeza Hudaýyň adyl höküminiň aýan
boljak gününde berler. 6 Şol gün Hudaý her
kime eden işine görä gaýtarar. 7 Hudaýdan
şan-şöhrat, hormat we ölmezligi agtaryp,
hemişe ýagşylyk edýänlere Ol baky ýa-
şaýşy berer. 8 Şahsy bähbidini araýanlar,
hakykaty ret edip, ýamanlyga eýerýänler
bolsa gahar-gazaba duçar bolarlar. 9 Hudaý

[a] **1:29** Käbir golýazmalarda *zynadan* diýen söz hem bar.

**2:6** Sül 24:12.

ýamanlyk edýän her bir adama: ilki bilen
ýahudylara, soňra ýahudy dällere muşak-
gat we hasrat berer. 10 Ýagşylyk eden her
bir adama: ilki bilen ýahudylara, soňra
ýahudy dällere şan-şöhrat, hormat we ra-
hatlyk berer, 11 sebäbi Hudaý ýüz görýän
däldir. 12 Ýahudy däller Musanyň Kanu-
ny barada bilmeýärler. Emma olar hem
Hudaýyň buýruklaryny bozsalar, ölerler.
Ýahudylar bolsa Musanyň Kanunyny bil-
ýärler. Şoňa görä-de, olar eden günäleri
üçin bu Kanuna laýyklykda höküm ediler.
13 Çünki Hudaýyň huzurynda Musanyň
Kanunyny diňleýänler däl-de, ony berjaý
edýänler aklanýandyr. 14 Musanyň Kanu-
ny ýahudy dällere berilmedi. Ýöne olar
tebigy duýgurlygyna eýerip, bu Kanunyň
talaplaryny berjaý edenlerinde, Kanuny
bilmeseler-de, oňat we erbet işleri saý-
garýandyklaryny görkezýärler. 15 Şeýdip,
edýän işleri arkaly Kanunyň parzlarynyň
öz ýüreklerine ýazylandygyny mälim
edýärler. Olaryň wyždanlary hem munuň
şeýledigini tassyklaýar, sebäbi öz pikirleri
olary käte aýyplaýar, käte bolsa aklaýar.
16 Bularyň hemmesi Hudaý adamlaryň
ýaşyryn işlerini we pikirlerini Isa Mesih
arkaly kazylyk etjek gününde aýan bolar.
Bularyň bary wagyz edýän Hoş Habarym-
da beýan edilendir.

### *Ýahudylar we Musanyň Kanuny*

17 Indi bolsa sen ýahudy barada aýtmak-
çy: sen özüňi ýahudy saýyp, Musanyň
Kanunyna bil baglaýarsyň, Hudaýy tana-
ýandygyňa buýsanýarsyň. 18 Sen Hudaýyň
islegini we ýagşyny ýamandan saýgarma-
gy şol Kanundan öwrenýärsiň. 19-20 Sen
bilimiň we hakykatyň nusgasy bolan
Kanuna eýe bolanyň üçin, özüňi kör-
leriň idijisi, tümlükdäkileriň yşygy,
akmaklaryň terbiýeçisi, bilimsizleriň mu-
gallymy hasaplaýarsyň. 21 Eger şeýle bolsa,
onda näme üçin başgalara taglym berip-
de, özüňe taglym bermeýärsiň? Ogurlyk
etmezligi wagyz edip, näme üçin ogurlyk
edýärsiň? 22 Zyna etmezligi wagyz edip,
näme üçin zyna edýärsiň? Butlary ýigren-
ji saýýan bolsaň, näme üçin Öz Hudaýyňa
garşy küpür gepleýärsiň? 23 Sen özüňe
berlen Kanuna buýsansaň-da, ony bo-
zup, Hudaýyň adyna ysnat getirýärsiň.
24 Şoňa görä-de, Mukaddes Ýazgylarda:
«Hudaýyň ady başga milletleriň arasynda
siz zerarly harlanýar» diýlip ýazylandyr.
25 Hawa, sen ýahudy sünnet edilensiň,
ýöne sünnet diňe Kanunyň berjaý edilen
ýagdaýynda ähmiýetlidir. Emma Kanuny
bozýan bolsaň, onda seniň sünnetiň sün-
netsizlik bilen des-deňdir. 26 Şeýle hem
bir sünnetsiz adam Kanunyň parzlaryny
berjaý edýän bolsa, onuň sünnetsizligi
sünnet hasaplanmazmy näme? 27 Sünnet-
siz bolsa-da, Kanunyň parzlaryny berjaý
edýän adam seni ýazgarmazmy? Sebä-
bi sen Mukaddes Ýazgylara eýe bolup,
sünnetli bolsaň-da, Kanuny bozýarsyň
ahyryn! 28 Çünki daşky görnüşi boýunça
ýahudy görünýän her kes ýahudy däldir,
tendäki her sünnet-de hakyky sünnet
däldir. 29 Ýok, köňli ýahudy bolan adam
hakyky ýahudydyr. Kanuna görä däl-de,
Mukaddes Ruha görä bolan sünnet haky-
ky sünnetdir. Hakyky ýahudynyň öwgüsi
adamlardan däl-de, Hudaýdandyr.

## 3-nji bap

### *Hudaýyň sadyklygy*

1 Şeýlelikde, ýahudy bolmagyň nä-
me artykmaçlygy bar? Sünnetiň näme
peýdasy bar? 2 Ýahudy bolmagyň

**2:24** Işa 52:5.

artykmaçlygy köpdür! Sebäbi Hudaýyň
kanunlary we wadalary ilki ýahudylara
berildi. 3 Olaryň käbiriniň Hudaýa sadyk
galmandygy hemmelere mälimdir. Ýöne
olaryň biwepalygy, heý-de, Hudaýyň
sadyklygyny ýok edermi? 4 Asla etmez!
Adamlaryň ählisi biwepa bolaýanda-da,
Hudaý sadykdyr. Sebäbi Mukaddes Ýaz-
gylarda Hudaý barada şeýle ýazylgydyr:

«Sen çykaran hökümiňde
adalatlysyň,
Kazylyk edeniňde, üstün
çykansyň».

5 Ýöne biziň bütin nädogrulygymyz
Hudaýyň dogrulygyny has äşgär edýän
bolsa, muňa näme diýeris? Käbir ynsan-
laryň şeýle diýip soramagy mümkin:
eýsem Hudaý Öz gazabyny başymyzdan
inderende, biz babatda adalatsyzlyk ed-
ýärmikä? 6 Elbetde, ýok! Hudaý adyldyr.
Eger şeýle bolmasa, Ol heý-de dünýä
kazylyk edip bilermi?! 7 Ýöne meniň bi-
wepalygym arkaly Hudaýyň sadyklygy
has äşgär bolup, Onuň şöhraty artýan
bolsa, men bir günäli hökmünde höküm
edilmelimi näme? 8 Ýagşylygy artdyrmak
üçin, belki, biz ýamanlyk etmelidiris?
Elbetde, ýok! Ýöne käbir adamlar men
hut şeýle zatlary öwredýärmişim diýip,
maňa töhmet baryny ýapýarlar. Şeýle
töhmetçiler öz edenlerine laýyk jeza
alarlar.

### *Hemmeler günälidir*

9 Onda näme, biz ýahudylar beýle-
ki milletlerden artykmy? Asla artyk
däldiris! Ýahudylaryň-da, başga mil-
letleriň-de günäniň tussaglygyndadygy
barada öň aýdypdyk ahyryn. 10 Mukad-
des Ýazgylarda hem şeýle ýazylgydyr:

«Dogry adam ýok, ýok ýeke biri-de;
11 Düşünýän asla ýok,
Hudaýy agtarýan-da ýok.
12 Olaryň hemmesi ýoldan çykdy,
ählisi deň derejede dereksiz boldy.
Ýagşylyk edýän ýok,
ýok ýeke biri-de.
13 Olaryň bogazy açyk gabyrdyr,
olar aldaýandyrlar,
agyzlarynda ýylan zäheri bardyr.
14 Agyzlary gargyşdan, ajy sözden
doludyr.
15 Aýaklary gan dökmäge
howlugýandyr.
16 Ýollarynda harabalyk, jepalar
bardyr.
17 Parahatlyk ýoly nedir, olar
bilmeýär.
18 Olar Hudaýdan asla gorkmaýar».

19 Biz Kanunda aýdylan zatlaryň onuň
tabynlygyndaky adamlara degişlidigi-
ni bilýäris. Ýöne şonda-da, hiç kimiň
öz-özüni aklamaga tutarygy ýokdur,
sebäbi Hudaýyň huzurynda hemmeler
günälidir. 20 Şeýlelikde, Musanyň Kanu-
nynyň parzlaryny berjaý etmek arkaly
Hudaýyň huzurynda hiç kim aklanyp
bilmez. Tersine, bu Kanun arkaly adam
özüniň günälidigine göz ýetirýär.

### *Iman arkaly aklanmak*

21 Ýöne indi Hudaý aklanmanyň
Kanuna dahylsyz ýoluny görkezdi.
Bu ýol barada Töwrat we pygamber-
leriň ýazgylary hem şaýatlyk edýär.
22 Isa Mesihe iman edýänleriň ählisi
Hudaýyň huzurynda aklanýandyrlar.
Adamlaryň arasynda hiç parh ýokdur,
23 sebäbi hemmeler günä edip, Hudaýyň
şöhratyndan mahrum boldular. 24 Ýöne

**3:4** Zeb 50:6. **3:10-12** Zeb 13:1-3; 52:2-4. **3:13** Zeb 5:10; 139:4. **3:14** Zeb 9:28. **3:15-17** Işa 59:7-8. **3:18** Zeb 35:2.

olar Hudaýyň merhemeti arkaly ak-
landylar, Isa Mesih arkaly günäleriniň
jezasyndan azat edildiler. 25-26 Hudaý
Öz adalatyny görkezmek üçin Isa Me-
sihi iberip, Onuň dökülen gany arkaly
iman edýänleri Özi bilen ýaraşdyrdy.
Hudaý ozalky döwürde edilen günälere
geçirimlilik etdi. Indi bolsa Isa Mesihe
iman edýän her kesi aklaýar. Şeýdip,
Ol Özüniň adalatlydygyny subut edýär.
27 Indi magtanara tutarygymyz galdy-
my? Asla galan däldir! Bu haýsy kanuna
görä şeýle boldy? Parzlary berjaý edilme-
li kanuna görämi? Ýok, iman kanunyna
görä şeýle boldy. 28 Biz adamyň Kanuny
berjaý etmek arkaly däl-de, iman arkaly
aklanýandygyny nygtaýarys. 29 Eýsem
Hudaý diňe ýahudylaryň Hudaýymy?
Ol başga milletleriň hem Hudaýy däl-
mi näme? Elbetde, Ol başga milletleriň
hem Hudaýy. 30 Sebäbi ýeke-täk Hudaý
bardyr. Ol sünnetlileri-de, sünnetsizle-
ri-de iman arkaly aklaýandyr. 31 Onda
näme? Iman arkaly Musanyň Kanunyny
ýatyrýarysmy? Ýok! Tersine, biz ony
berkarar edýäris.

## 4-nji bap

### *Ybraýymyň imany*

1 Ýokarda aýdylanlary nazara alyp,
atamyz Ybraýym babatda näme aý-
dyp bileris? 2 Eger Ybraýym Hudaýyň
nazarynda ýagşy işleri arkaly aklanan
bolsa, onda, dogrudan-da, öwnüp biler-
di, emma Hudaýyň öňünde däl. 3 Çünki
Mukaddes Ýazgyda: «Ybraýym Hudaýa
iman etdi we Hudaý ony dogry hasap-
lady» diýip ýazylgydyr. 4 Haýsydyr bir
iş edýän adam öz çeken zähmeti üçin
hak alýandyr. Bu peşgeş däldir. 5 Emma
günäkärleri aklaýan Hudaýa iman edýän
adam hiç iş etmese-de, iman edýändigi
üçin Hudaýyň huzurynda aklanýandyr.
6 Ine, ýagşy işleri etmese-de, Hudaý ta-
rapyndan aklanan adamy Dawut hem
bagtyýar saýyp, şeýle diýýär:

7 «Ýazygy bagyşlanan, günäsi
örtülen adam
nähili bagtly!
8 Reb tarapyndan etmişi hasaba
alynmaýan adam
nähili bagtly!»

9 Eýsem bu bagtyýarlyk diňe sünnet-
lilere degişlimidir? Ýa-da sünnetsizlere
hem degişlimikä? Ozal aýdyşymyz ýaly,
Hudaý Ybraýymyň imany üçin ony dog-
ry hasaplady. 10 Eger şeýle bolsa, haçan
dogruçyl hasaplady? Sünnetlenmänkämi
ýa-da sünnetlenenden soň? Ýok, soň däl-
de, öň dogruçyl hasaplady! 11 Ybraýym
sünnetlenmänkä iman etdi, sünneti bolsa
iman arkaly alan aklanmasynyň möhüri
hökmünde kabul etdi. Şeýdip, Ybraýym
sünnetsizlikde iman edip, dogruçyl ha-
saplanan her bir adamyň atasy boldy.
12 Şeýle-de, atamyz Ybraýym sünnetlile-
riň hem atasydyr. Ýöne şeýle sünnetlileriň
imany Ybraýymyň sünnetlenmeden ozal
iman edişi ýaly bolmalydyr.
13 Hudaý Ybraýyma we onuň nesline
dünýäni miras bermegi wada berdi. Bu
wada Ybraýyma Musanyň Kanunyny
berjaý edendigi üçin däl-de, iman edip,
Hudaýyň nazarynda dogruçyl hasapla-
nandygy üçin berildi. 14 Çünki Musanyň
Kanunyny berjaý edýänler dünýäni miras
aljak bolsalar, onda iman ähmiýetini ýiti-
rerdi, wadanyň bahasy bolsa kör köpük
bolardy. 15 Sebäbi bu Kanunyň bozulmagy
Hudaýy gazaplandyrýar. Emma Kanunyň
bolmadyk ýerinde Kanuny bozmaklyk-da

**4:3** Gçk 15:6. **4:7-8** Zeb 31:1-2.

ýokdur. 16-17 Şoňa görä-de, berlen wada-
ny iman arkaly alyp bolýandyr. Wada
merhemetli peşgeş bolup, Ybraýymyň
tutuş nesline – diňe Musanyň Kanuny-
na eýe bolanlara däl, eýsem Ybraýym
ýaly iman edýänleriň baryna degişlidir.
Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň Ybraýy-
ma: «Seni köp milletleriň atasy etdim»
diýşi ýaly, Ybraýym Hudaýyň naza-
rynda ählimiziň atamyzdyr. Sebäbi ol
merhumlary direldýän we ozal bolma-
dyk zatlary bar edýän Hudaýa iman etdi.
18 Hudaý Ybraýyma «Seniň san-sajak-
syz nesliň bolar» diýip aýdypdy. Şonuň
üçin-de, Ybraýym köp milletleriň atasy
bolmaga hiç umydynyň galmandygyna
garamazdan, imany sebäpli umytdan düş-
medi. 19 Ol ýaşynyň ýüze golaýlap, bilinde
kuwwatynyň galmandygyna, Saranyň
önelgesizdigine garamazdan, imanynda
gowşamady. 20 Hudaýyň beren wadasyna
şübhelenip, imansyzlyk etmedi. Tersine,
imanda berkäp, Hudaýy şöhratlandyrdy.
21 Ol Hudaýyň Öz beren wadasynda tapyl-
jakdygyna doly ynandy. 22 Ine, şeýle imany
üçin Hudaý «ony dogry hasaplady». 23 Bu
sözler diňe Ybraýyma degişli däldir. 24 Bu
bize, ýagny Rebbimiz Isa Mesihi ölümden
direlden Hudaýa iman edip, dogruçyl ha-
saplanýanlara hem degişlidir. 25 Isa Mesih
biziň günälerimiz üçin ölüme tabşyrylyp,
Hudaýyň nazarynda aklanylmagymyz
üçin direldildi.

## 5-nji bap

### *Hudaý bilen ýaraşyk*

1 Şeýlelikde, biz imanymyz bilen
aklanyp, Rebbimiz Isa Mesih arkaly
Hudaý bilen ýaraşdyk. 2 Isa Mesih bize
Hudaýyň merhemetiniň gapysyny açyp
berdi. Biz iman arkaly bu merhemete
ulaşyp, berk durus we Hudaýyň şöhra-
tyna şärik boljakdygymyza umyt baglap
begenýäris. 3 Diňe muňa däl, eýsem
muşakgatlarymyza hem begenýäris, se-
bäbi muşakgatlaryň çydamy, 4 çydamyň
erjelligi, erjelligiň hem umydy döred-
ýändigini bilýäris. 5 Şeýle umyt bizi
utandyrmaz, sebäbi berlen Mukaddes
Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söý-
güsinden dolup-daşýar.
6 Biziň özümizi aklamaga güýjümiz
ýokka, Isa Mesih Hudaýyň öňden bel-
län wagtynda biz hudaýsyzlar üçin öldi.
7 Hatda dogry adam üçin ölmäge taýyn
adamy tapmak kyndyr. Ýöne kim bilýär,
belki, ýagşy adam üçin ölüp biljegiň
tapylmagy-da ahmal. 8 Emma Isa Me-
sih heniz günäkärkäk, biziň üçin öldi.
Şeýdip, Hudaý bize bolan söýgüsini
görkezdi. 9 Şoňa görä-de, Mesihiň gany
bilen aklanan bolsak, Ol arkaly Hudaýyň
gazabyndan gutuljagymyz hem gürrüň-
sizdir. 10 Çünki duşmankak Oglunyň
ölümi arkaly Hudaý bilen ýaraşan bolsak,
onda Onuň ömri arkaly halas ediljegimiz
hem gürrüňsizdir. 11 Mundan başga-da,
biz Hudaýyň Rebbimiz Isa Mesih arkaly
eden işlerine begenýäris, sebäbi Ol bizi
Hudaý bilen ýaraşdyrdy.

### *Ölüm Adam atadan, ýaşaýyş Isa Mesihdendir*

12 Bir ynsan, ýagny Adam ata zerarly
günä dünýä aralaşdy, günä bolsa ölü-
miň gelmegine sebäp boldy. Ynsanlaryň
ählisi günäli bolany üçin, ölüm olaryň
üstünden höküm sürüp başlady. 13 Günä
Kanun berilmänkä-de dünýäde bardy,
ýöne Kanunyň bolmadyk ýerinde günä
hasaba alynmaýar. 14 Muňa garamazdan,

**4:16-17** Gçk 17:5. **4:18** Gçk 15:5.

Adam atadan başlap Musa çenli ýaşanlar
Adam atanyňky ýaly günä etmeseler-de,
ölüm olaryň üstünden höküm sürdi.

Adam ata belli bir derejede özünden
soň gelmeli Adamyň, ýagny Isa Mesihiň
nusgasy boldy. 15 Emma Hudaýyň peşgeş
beren merhemetini Adam atanyň günäsi
bilen deňeşdirip-de bolmaz! Çünki bir
adamyň günäsi köpleri ölüme duçar etdi;
başga bir Adamyň, ýagny Isa Mesihiň
merhemeti arkaly bolsa köpler Hudaýyň
bu peşgeşini boldan-bol aldy. 16 Hawa,
Hudaýyň peşgeş beren merhemeti Adam
atanyň günäsi ýaly däldir. Sebäbi bir
günä jezalandyrylyp, höküm edilmä
sezewar etdi. Emma köp günälerden
soň peşgeş berlen merhemet aklanmany
getirdi. 17 Çünki bir adamyň günäsi ze-
rarly we şol adam arkaly ölüm höküm
sürüp başlady. Emma Hudaýyň çäksiz
merhemeti bilen aklanma peşgeşiniň
bollugyny alanlaryň bary indi bir Adam,
ýagny Isa Mesih arkaly baky ýaşaýyşda
höküm sürerler. 18 Şeýlelikde, bir adamyň
günäsi zerarly hemmeleriň höküme du-
çar bolşy ýaly, bir Adamyň dogrulygy
arkaly-da hemmelere ýaşaýyş berýän
aklanma geldi. 19 Bir adamyň bitabynlygy
arkaly köp adamyň günäkär bolşy ýaly,
bir Adamyň tabynlygy arkaly köp adam
dogruçyl bolar. 20 Günäniň mese-mälim
bolmagy üçin, Kanun ara girdi. Ýöne
adamlar günäni köpden-köp etdigisaýy,
Hudaýyň merhemeti has-da artdy. 21 Ozal
günä hökmürowanlyk sürüp, hemmeleriň
ömür tanapyny gyrýardy. Indi welin Hu-
daýyň merhemeti hökmürowanlyk sürýär.
Şoňa görä-de, biz aklanyp, Rebbimiz Isa
Mesih arkaly baky ýaşaýşa eýe bolduk.

## 6-njy bap

1 Onda näme, Hudaý Öz merhemetini
bize köpden-köp görkezsin diýip, günä
edibermelimi? 2 Elbetde, ýok! Biz günä
babatda öldük ahyryn. Onsoň neneň edip
günä içinde ýaşap bileris? 3 Ýa-da siz suwa
çümdüriliş arkaly Isa Mesih bilen birigip,
indi Onuň ölümine şärik bolýandygymyzy
bilmeýäňizmi? 4 Hawa, biz suwa çümdü-
riliş arkaly Mesih bilen ölüp, jaýlandyk.
Şoňa görä-de, Atanyň şöhratly gudraty
arkaly Mesihiň ölümden direlişi ýaly, biz
hem täze ýaşaýşa eýe bolup bileris. 5 Biz
Mesihiň ölüminde Onuň bilen birigen
bolsak, onda direlişinde-de Onuň bilen
birigeris. 6 Biz mundan beýläk günäniň
guly bolmaz ýaly, köne tebigatymyzyň Isa
Mesih bilen haça çüýlenendigini bilýäris.
Biz indi günäniň boýuntyrygyndan boşan-
dyk. 7 Ölen adam günäniň ygtyýaryndan
azatdyr. 8 Eger biz Mesih bilen ölen bol-
sak, onda Onuň bilen ýaşajakdygymyza
hem ynanýarys. 9 Biz Mesihiň ölümden
direlip, asla ölmejekdigini, ölümiň indi
Oňa öz hökümini ýöredip bilmeýändigi-
ni bilýäris. 10 Isa Mesih Öz ölümi arkaly
günäniň ygtyýaryny müdimilik ýok etdi.
Onuň häzirki ýaşaýşy bolsa diňe Hudaýyň
şöhraty üçindir. 11 Şoňa görä-de, siz hem
özüňizi günä üçin öli, Isa Mesih bilen
birigendigiňiz sebäpli Hudaý üçin diri
saýyň. 12 Siz pany teniňiziň günäli höwes-
lerine eýermez ýaly, günäniň öz teniňize
höküm sürmegine ýol bermäň. 13 Beden
agzalaryňyzy ýamanlyk guraly hökmünde
günäniň ygtyýaryna tabşyrmaň. Tersine,
ölümden direlen hökmünde özüňizi Hu-
daýa tabşyryň. Goý, bedeniňiziň her bir
agzasy Hudaýyň dogrulyk guraly bolsun.
14 Şonda günä size öz hökümini ýöretmez,
sebäbi siz Kanunyň ygtyýarynda däl-de,
merhemetiň ygtyýaryndasyňyz.

### *Dogrulygyň gullary*

15 Indi näme? Biz indi Kanunyň ygtyýa-
rynda däl-de, merhemetiň ygtyýarynda

diýip, günä edibermelimi? Elbetde, ýok!
16 Eýsem siz özüňizi kimiň tabynlygyna
tabşyrsaňyz, şonuň-da guluna öwrül-
ýändigiňizi bilmeýäňizmi näme? Siz
nämäniň guly: ölüme eltýän günäniň gu-
lumy ýa-da dogrulyga eltýän tabynlygyň
guly? 17 Hawa, siz günäniň guludyňyz,
ýöne Hudaýa şükür, kabul eden tagly-
matyňyza ýürekden tabyn bolduňyz,
18 günäniň ygtyýaryndan azat edilip,
dogrulyk gullary bolduňyz. 19 Siziň yn-
san ejizligiňizi nazara alyp, size sada
sözler bilen aýdýaryn: siz ozal beden
agzalaryňyzy haramlyga we gitdigisaýy
artýan bikanunlyga tabşyrypdyňyz. Indi
bolsa beden agzalaryňyzy halal ýaşaýşa
eltýän dogrulyga tabşyryň. 20 Siz günäniň
gullarykaňyz, dogrulygy berjaý etmek-
den azatdyňyz. 21 Ozal eden işleriňizden,
ýagny şindi utanýan işleriňizden näme
bähbit gördüňiz? Şeýle işleriň soňy ölüm-
dir. 22 Ýöne indi günäniň ygtyýaryndan
azat edilip, Hudaýyň guly bolduňyz.
Munuň netijesi halal ýaşamaklyk, soňy
bolsa baky ýaşaýyşdyr. 23 Çünki günäniň
muzdy ölüm, Hudaýyň peşgeşi bolsa
Rebbimiz Isa Mesih arkaly berilýän
baky ýaşaýyşdyr.

## 7-nji bap

### *Kanundan azatlyk*

1 Eý, doganlar, size Musanyň Kanunyny
bilýän adamlar hökmünde ýüzlenýärin.
Eýsem siz bu Kanunyň diňe diri adama
öz hökümini ýöredýändigini bilmeýä-
ňizmi näme? 2 Mysal üçin, ärli aýaly
alyp göreliň. Ol äri dirikä, bu Kanun
boýunça oňa baglydyr. Emma äri ölse,
ol nika kanunyndan azatdyr. 3 Eger aýal
äri dirikä başga birine durmuşa çyksa,
bu zynahorlykdyr. Emma äri ölse, ol
kanundan azatdyr, başga äre barsa hem
zynahor däldir. 4 Eý, doganlarym, siz
babatda hem şeýledir. Siz Isa Mesihiň
haçdaky ölümi arkaly Musanyň Kanuny
üçin ölüsiňiz. Hudaýa ýagşy işleriňiziň
hasylyny getirer ýaly, siz indi başga Bi-
rine, ýagny ölümden direlen Isa Mesihe
degişlisiňiz. 5 Biz ynsan tebigatymyza
görä ýaşaýarkak, bu Kanun biziň beden
agzalarymyzda günäli höwesleri oýar-
ýardy. Bu höwesler bizi günäli işlere
imrindirip, ölüme eltýärdi. 6 Emma biz
özümizi tussaglykda saklan Kanun ba-
batda ölüp, ondan azat edildik. Biz indi
Kanuna tabyn bolan köne ýörelgä görä
däl-de, eýsem Mukaddes Ruha eýer-
ýän täze ýörelgä görä Hudaýa hyzmat
edip bileris.

### *Musanyň Kanuny günäni äşgär edýär*

7 Onda näme, Musanyň Kanuny erbet
bir zatmy? Elbetde, ýok! Ýöne bu Kanun
bolmadyk bolsa, men günäniň nämedi-
gini-de bilmezdim. Kanun: «Başganyň
zadyna göz dikme» diýip buýurmadyk
bolsa, men munuň günädigini hem bil-
mezdim. 8 Günä bolsa bu buýrukdan öz
bähbidini arap, meni her tüýsli açgözlüge
imrindirdi. Kanunyň bolmadyk ýerinde
günä ölüdir. 9 Men Kanun berilmänkä
diridim. Emma Kanun berlenden soň
günä janlandy-da, 10 men öldüm. Hawa,
maňa ýaşaýyş bermeli Kanun meniň
ölmegime sebäp boldy. 11 Sebäbi günä
Kanunyň buýrugyny tutaryk edinip,
meni aldawa saldy-da, ol arkaly öldürdi.
12 Emma Kanun şonda-da mukaddesdir;
onuň her bir buýrugy mukaddes, ada-
latly we oňatdyr.

**7:7** Msr 20:17; Kan 5:21.

[13]Onda näme, oňat zat meniň ölme-
gime sebäp bolaýdymy? Elbetde, ýok!
Meni oňat buýruklar arkaly günä öldür-
di. Günäniň hakyky tebigaty hut şeýle
aýan bolmalydy. Şeýdip, günäniň nä-
derejede erbetdigi äşgär boldy. [14]Biz
Musanyň Kanunynyň Hudaý tarapyndan
berlendigini bilýäris. Men bolsa günäniň
ýesirligindäki bir ejiz ynsandyryn. [15]Men
öz edýänlerime özüm düşünemok, se-
bäbi halaýan zadymy etmän, ýigrenýän
zadymy edýärin. [16]Eger men ýigren-
ýän zadymy edýän bolsam, onda bu
Kanunyň oňatdygy bilen ylalaşýaryn.
[17]Eger şeýle bolsa, onda edýänlerimi men
däl-de, mende mesgen tutan günä edýän-
dir. [18]Mende, hawa, ynsan tebigatymda
oňat zadyň ýokdugyny anyk bilýärin.
Sebäbi oňat işleri etmäge islegim bol-
sa-da, olary amal etmegi başarmaýaryn.
[19]Men isleýän oňat işlerimi etmän, ter-
sine, ýigrenýän erbet işlerimi edýärin.
[20]Eger islemeýänimi edýän bolsam, on-
da ony indi men däl-de, içimde mesgen
tutan günä edýändir. [21]Şeýlelikde, men
durmuşda şeýle ýörelgäniň bardygyny
bildim: oňat işi etmekçi bolan badyma,
mende ýamanlyk häzir bolýar. [22]Bütin
kalbym bilen Hudaýyň Kanunyndan
lezzet alsam-da, [23]bedenimiň şol ýörelgä
ýykgyn edýändigini görýärin. Bu ýörelge
meniň aňymdaky ýörelgä garşy göreşip,
bedenimdäki günä ýörelgesine meni ýesir
edýär. [24]Wah, men bagtygarany diýsene!
Ölüme eltýän bu bedenimden meni kim
halas eder? [25]Hudaýa şükür! Ol bizi Reb-
bimiz Isa Mesih arkaly halas etdi!

Şunlukda, aňym bilen Hudaýyň Kanunyna gulluk etsem-de, ynsan tebigatyma görä günä kanunynyň guludyryn.

## 8-nji bap

### *Ýaşaýyş berýän Mukaddes Ruh*

[1]Şeýlelikde, Isa Mesihe degişli bolan-
lar [a] indi asla höküm edilmez. [2]Sebäbi
ýaşaýyş berýän Mukaddes Ruh meni
Isa Mesih arkaly günäniň we ölümiň
ygtyýaryndan azat etdi. [3-4]Musanyň
Kanuny ynsan höweslerimiziň hötde-
sinden gelip bilmänsoň, bizi halas edip
bilmedi. Kanunyň başarmadyk işini
Hudaý amala aşyrdy. Hudaý dünýädäki
günä sebäpli Öz Ogluny bir günäkär
ynsan kimin iberdi-de, Ol arkaly günä-
ni höküm etdi. Hudaý muny Kanunyň
adalatly talaplarynyň bizde berjaý bol-
magy üçin amal etdi. Şunlukda, biz
indi ynsan höweslerimize görä däl-de,
Mukaddes Ruha görä ýaşaýarys. [5]Çünki
ynsan höweslerine görä ýaşaýanlar bu
höwesleriň oňlaýan zatlary barada pikir
edýärler. Mukaddes Ruha görä ýaşaýan-
lar bolsa Onuň oňlaýan zatlary barada
pikir edýändir. [6]Ynsan höweslerinden
döreýän pikirler adamy ölüme eltýär.
Mukaddes Ruhdan döreýän pikirler
bolsa ýaşaýyş we parahatlyk berýär.
[7]Ynsan höweslerinden döreýän pikirler
Hudaýa duşmandyr. Sebäbi olar Huda-
ýyň Kanunyna tabyn däldir, aslynda
tabyn bolmagy başarýan hem däldir.
[8]Şonuň üçin-de, ynsan höweslerine
görä ýaşaýanlar Hudaýyň göwnünden
turup bilmez. [9]Eger Hudaýyň Ruhy
dogrudan-da kalbyňyzda mesgen tutan
bolsa, siz ynsan höwesleriniň ygtyýa-
rynda dälsiňiz, siz Mukaddes Ruhuň
ygtyýaryndasyňyz. Kimde Mesihiň
Ruhy bolmasa, ol Mesihe degişli däldir.

[a] **8:1** Käbir golýazmalarda *ynsan tebigatyna görä däl-de, Mukaddes Ruha görä ýaşaýanlar* diýen jümle hem bar.

[10] Eger Isa Mesih kalbyňyzda mesgen
tutan bolsa, onda günä zerarly ölme-
li bolsaňyz-da, Mukaddes Ruh size
ýaşaýyş berer, sebäbi siz Hudaýyň huzu-
rynda aklanansyňyz. [11] Eger Isa Mesihi
ölümden Direldeniň Ruhy kalbyňyzda
ýaşaýan bolsa, onda Ol kalbyňyzda
ýaşaýan Öz Ruhy arkaly Isa Mesihi
direldişi ýaly, siziň-de pany teniňizi
ölümden direlder.

[12] Şoňa görä-de, eý, doganlar, biz indi
ynsan höwesleriniň talaplaryna görä
ýaşamaga borçly däldiris. [13] Eger siz
ynsan höwesleriniň talaplaryna görä
ýaşasaňyz, ölersiňiz. Emma ynsan
höwesleriniň ýaman işlerini Mukad-
des Ruhuň güýji arkaly ýok etseňiz,
ýaşarsyňyz. [14] Sebäbi Mukaddes Ru-
ha eýerýänler Hudaýyň perzentleridir.
[15] Hudaý bize Öz Ruhuny berdi. Ol muny
gaýtadan gul bolup, gorkuda ýaşamagy-
myz üçin däl, eýsem Onuň perzentleri
bolup, Mukaddes Ruh arkaly «Abba! [a]
Atam!» diýip çagyrmagymyz üçin amal
etdi. [16] Mukaddes Ruh biziň ruhumyz
bilen birlikde Hudaýyň perzentleri-
digimize güwä geçýär. [17] Şeýlelikde,
perzentleri bolan bolsak, onda miras-
düşeridiris. Hudaýyň mirasdüşerleri
bolýan bolsak, onda Isa Mesihiň hem
mirasdaşlarydyrys. Biz Isa Mesihiň
gören görgülerine şärik bolýan bol-
sak, onda Onuň şan-şöhratyna hem
şärik bolarys.

### *Görgüler we şöhrat*

[18] Meniň pikirimçe, şu wagtky gör-
gülerimizi bize aýan boljak gelejekki
şöhrat bilen deňeşdirip-de bolmaz. [19] Hu-
daýyň Öz perzentleriniň şöhratyny aýan
etjek pursadyna bütin ýaradylyş hem
sabyrsyzlyk bilen garaşýar. [20-21] Sebä-
bi ýaradylyş öz islegi boýunça däl-de,
Hudaýyň islegi boýunça puçluga tabyn
bolupdy. Indi bolsa Hudaýyň perzent-
leriniň şan-şöhrata gowşan pursadynda
ýaradylyş özüniň hem çüýreme näletin-
den azat edilip, şol şöhrata gowşaryn
diýip umyt edýär. [22] Biz bütin ýarady-
lyşyň şu wagta çenli ahy-nala çekip,
burgy jebirlerini çekýändigini bilýäris.
[23] Diňe bir ýaradylyş däl, eýsem ge-
lejekdäki şöhratyň kepili hökmünde
Mukaddes Ruhy alan biz hem ahy-nala
çekýäris. Sebäbi biz özümiziň ogul-
lyga alnyp, bedenimiziň çüýremeden
azat edilmegine sabyrsyzlyk bilen ga-
raşýarys. [24] Biz halas edilenimiz üçin,
indi bu umydymyz bardyr. Ýöne göze
görnüp duran umyt asla umyt däldir.
Görüp duran zadyna umyt baglaýan
barmy näme? [25] Biz görmeýän zadymy-
za umyt baglap, şoňa sabyrlylyk bilen
garaşýandyrys. [26] Mukaddes Ruh hem
ejizligimizde bize kömek berýär, sebäbi
biz hatda nähili we näme barada dileg
etmelidigimizi hem bilmeýäris. Emma
Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan
edip bolmajak iňňildiler bilen biziň
üçin töwella edýär. [27] Ynsan ýüreginiň
jümmüşini bilýän Hudaý Mukaddes
Ruhuň pikirlerine düşünýändir. Sebäbi
Mukaddes Ruh Hudaýyň islegine görä
Onuň halky üçin ýalbarýandyr. [28] Biz
Hudaýy söýýänler we Onuň maksa-
dyna görä çagyrylanlar üçin hemme
zadyň olaryň peýdasyna edilýändigini
bilýäris.

[29] Çünki Hudaý olary ezelden saýlap-
-seçdi we Ogluna meňzetmegi owaldan
karar etdi. Ol muny Isa Mesihiň köp
sanly doganlarynyň arasynda nowbahar

[a] **8:15** ***Abba*** – arameýçe bu söz *Atam* diýmegi aňladýar.

bolmagy üçin amal etdi. 30 Hudaý ezelden
saýlap-seçenlerini çagyrdy, çagyranla-
ryny aklady, aklanlaryny şan-şöhrata
besledi.

### *Hudaýyň söýgüsi*

31 Bulardan başga aýdara zat gal-
dymy? Hudaý bizlik bolsa, kim bize
garşy çykyp biler? 32 Hudaý hatda Öz
Ogluny aýaman, Ony biziň günäleri-
miz üçin ölüme tabşyran bolsa, onda
Onuň bilen birlikde beýleki zatlaryň
baryny hem eçilmezmi näme?! 33 Hu-
daýyň saýlap-seçenlerini aýyplamaga
kim milt eder? Hiç kim, sebäbi olary
Hudaýyň hut Özi aklaýar! 34 Hudaýyň
halkyny kim höküm edip biler? Hiç
kim, sebäbi ölümden direlen Isa Mesih
Hudaýyň sagynda oturyp, biziň üçin
töwella edýär. 35 Biz görgüdir muşak-
gatlary çekýäris, yzarlanmalara, açlyga,
mätäçlige duçar bolýarys, howp-hatara
we ölüm howpuna sezewar edilýäris.
Eýsem bularyň bary bizi Isa Mesihiň
söýgüsinden aýryp bilermi? Elbetde,
ýok! Sebäbi Mukaddes Ýazgylarda şeýle
ýazylgydyr:

36 «Biz her gün Seniň üçin
öldürilýäris,
damagy çalynjak goýun
saýylýarys».

37 Ýöne biz özümizi Söýýän arkaly bu
kynçylyklaryň baryny ýeňýäris. 38-39 Se-
bäbi men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň,
ne perişdeleriň, ne-de jynlaryň, ne hä-
zirki, ne gelejekki ýagdaýlaryň, ne-de
güýçleriň, ne belentligiň, ne-de çuňlu-
gyň – ýaradylan zatlaryň biriniň-de bizi
Rebbimiz Isa Mesih arkaly aýan bolan
Hudaýyň söýgüsinden aýryp bilmejek-
digine berk ynanýaryn.

## 9-njy bap

### *Hudaýyň saýlap-seçen halky*

1-2 Meniň uly gaýgym, ýüregimde
dyngysyz agyrym bar. Munuň haky-
katdygyna, ýalan sözlemeýändigime
Isa Mesihiň adyndan güwä geçýärin.
Sözlerime Mukaddes Ruh arkaly ynsa-
bym-da şaýatdyr. 3-4 Hawa, men ganybir
doganlarym bolan ysraýyl halkynyň Isa
Mesihden aýra düşeninden, özümiň gar-
gyşa galyp, olaryň hatyrasyna Mesihden
aýra düşmäge-de kaýyldyryn. Hudaý
olary ogullyga aldy, olara Öz şan-şöh-
ratyny aýan edip, olar bilen äht baglaşdy.
Ol Kanuny we ybadathanadaky hyzmaty
olara ynandy, wadalaryny hem olara
berdi. 5 Olar beýik ata-babalarymyzyň
neslidir. Isa Mesih hem ynsan tebigaty
boýunça olardan gelip çykandyr. Bütin
barlygyň Hökümdary bolan Hudaýa
baky şöhrat bolsun! Omyn!
6 Men Hudaý Öz wadasynda tapylmady
diýemok. Sebäbi asly ysraýyl bolanlaryň
bary hakyky ysraýyl däldir. 7 Ybraýymyň
neslinden bolanlaryň-da bary onuň ha-
kyky perzendi däldir. Sebäbi Mukaddes
Ýazgylarda: «Seniň adyň Yshagyň nesli
arkaly dowam eder» diýip ýazylgy-
dyr. 8 Diýmek, Ybraýymyň neslinden
bolanlaryň baryna Hudaýyň perzendi
diýip bolmaz. Diňe wada görä doglanlar
Ybraýymyň hakyky nesli hasaplanýan-
dyr. 9 Çünki: «Bellenen wagtda dolanyp
gelenimde, Saranyň bir ogly bolar» diý-
lip wada berlipdi. 10 Mundan başga-da,
Rebekanyň ekizleri Ysaw bilen Ýakuby
ýatlaly. Olaryň ikisi-de bir atadan, ýagny
atamyz Yshakdan doglupdy. 11-12 Ýö-
ne ekizler heniz dogulmanka, heniz

**8:36** Zeb 43:23. **9:7** Gçk 21:12. **9:9** Gçk 18:14. **9:11-12** Gçk 25:23.

ýamanlyk ýa ýagşylyk etmänkä, Hudaý
Rebeka «Ulusy kiçisine gul bolar» diýip
aýdypdy. Bu sözler saýlanyp-seçilmäniň
ynsan işlerine däl-de, diňe Çagyrana
baglydygyny mälim etmek üçin aýdy-
lypdy. [13] Hawa, Mukaddes Ýazgylarda:
«Men Ýakuby saýladym, emma Ysawy
ret etdim» diýip ýazylgydyr. [14] Muňa
näme diýeli? Eýsem Hudaý adalatsyz-
mydyr? Elbetde, ýok! [15] Sebäbi Ol Musa:
«Men islän adamyma merhemet, islän
adamyma hem rehim-şepagat ederin»
diýip aýdypdy. [16] Şonuň üçin-de, saý-
lanyp-seçilme adamyň islegine ýa-da
tagallasyna däl-de, Hudaýyň merhe-
metine baglydyr. [17] Hudaý Mukaddes
Ýazgylarda Müsüriň faraonyna: «Men
Öz güýjümi sende görkezip, adymy tutuş
dünýä jar etmek maksady bilen seni pa-
tyşa etdim» diýip aýdypdy. [18] Şeýlelikde,
Hudaý islänine rehim-şepagat edýär,
isläniniň ýüregini gataldýar.

[19] Onda menden: «Eger şeýle bol-
sa, onda näme üçin Hudaý adamlary
ýazgarýar? Onuň islegine garşy çykyp
biljek barmy?» diýip soramagyň müm-
kin. [20] Heý, adam, Hudaýa gep gaýtarar
ýaly, sen kimmişiň? Heý-de ýasalan
zat özüni ýasandan: «Näme üçin meni
beýle ýasadyň?» diýip sorap bilermi?
[21] Eýsem küýzegäriň şol bir toýundan
islän gabyny: birini toý-baýramlar üçin,
beýlekisini gündelik işler üçin ýasamaga
haky ýokmy näme? [22] Hudaý Öz gudra-
tyny görkezmek üçin, heläkçilige doglan
adamlaryň üstüne gazabyny döküp bil-
ýär. Ýöne Ol Özüni gazaplandyrýan
adamlara uly sabyr-takatlyk edýändir!
[23] Hudaý Özüniň öňden şöhrat üçin
taýýarlap, merhemet edenlerine Öz
şöhratynyň baýlygyny bildirmek üçin
şeýle sabyr-takatly bolýandyr. [24] Hu-
daýyň şeýle merhemet edenleriniň we
çagyranlarynyň arasynda diňe ýahudylar
däl, eýsem başga milletler hem bardyr.
Hawa, bularyň arasynda biz hem bardy-
rys. [25] Hudaý Hoşeýa pygamber arkaly
şeýle diýýär:

«Meniň halkym bolmadyga
„Halkym“ diýerin,
söýgüli bolmadyga „Söýgülim“
diýerin.
[26] Olara: „Siz Meniň halkym
dälsiňiz“ diýlen ýerde,
„Siz diri Hudaýyň
ogullarysyňyz“ diýler».

[27] Işaýa pygamber hem Ysraýyl barada
şuny jar etdi: «Ysraýyl halky deňiz ýa-
kasyndaky çäge deý köp bolsa-da, diňe
birnäçesi halas bolarlar. [28] Çünki Reb Öz
çykaran hökümini tutuş ýer ýüzünde
tizara we gutarnykly amala aşyrar». [a]
[29] Işaýa hem öňden şulary aýdypdy:

«Eger Hökmürowan Reb
zürýatlarymyzy aman
galdyrmadyk bolsady,
Sodom ýaly bolardyk,
Gomora meňzärdik».

### *Ysraýylyň imansyzlygy*

[30] Bu näme diýildigi? Hudaýyň huzu-
rynda aklanmaga ymtylmadyk milletler
iman edip, aklandylar. [31] Ysraýyl hal-
ky bolsa Musanyň Kanunyny berjaý

---

[a] **9:28** Käbir golýazmalarda 28-nji aýat şeýle görnüşde gelýär: *Reb Öz çykaran hökümini tizara we gutarnykly dogrulyk bilen ýerine ýetirer, çünki Ol işini ýer ýüzünde tiz amala aşyrar.*

---

**9:13** Mal 1:2-3. **9:15** Msr 33:19. **9:17** Msr 9:16. **9:20** Işa 29:16; 45:9. **9:25** Hoş 2:23. **9:26** Hoş 1:10. **9:27-28** Işa 10:22-23. **9:29** Işa 1:9.

etmek arkaly aklanmakçy boldy, ýöne
muny başarmady. 32 Näme üçin? Se-
bäbi olaryň ymtylyşlary imana däl-de,
Kanuna daýandy. Olar «Büdreme da-
şyna» büdrediler. 33 Hudaý Mukaddes
Ýazgylarda olara bu daş barada aýdyp-
dy: «Ine, Men Sionda büdreme Daşyny,
ýykýan Gaýa goýýaryn; Oňa bil baglan
utandyrylmaz».

## 10-njy bap

1 Eý, doganlar, ysraýyl halkynyň halas
bolmagy meniň köňül küýsegimdir. Men
bu hakda elmydama Hudaýa doga-dileg
edýärin. 2 Çünki Hudaýyň buýruklaryny
berjaý etmekde olaryň diýseň yhlasly-
dygyna özüm diri şaýat. Emma şeýle
yhlasly bolsalar-da, olaryň Hudaý hakda
hakyky bilimi ýok. 3 Olar Hudaýyň dog-
rulygyna düşünmediler. Şonuň üçin-de,
Musanyň Kanunyny berjaý etmek arkaly
aklanjak bolup, Hudaýyň dogrulygyna
tabyn bolmadylar. 4 Isa Mesih bolsa bu
Kanunyň maksadyny amala aşyrdy. Şo-
nuň üçin-de, Oňa iman edýän her kes
Hudaý tarapyndan aklanandyr. 5 Kanuna
daýanýan dogrulyk barada Musa şeýle
ýazýar: «Ony berjaý edýän adam aman
galar». 6-7 Imana daýanýan dogrulyk
barada, bolsa ol şeýle diýýär: «„Ol ýere
kim çykar?“, (ýagny Mesihi göklerden
indirmek üçin), „Düýpsüz çukura kim
iner?“, (ýagny Mesihi direltmek üçin) –
diýip, öz-özüňden sorama». 8 Şeýle-de,
imandan bolan dogrulyk: «Bu söz saňa
ýakyndyr, ol seniň agzyňda we ýüregiň-
dedir» diýýär. Bu söz bolsa biziň wagyz
edýän imanymyz hakdaky habardyr.
9 Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa
Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Huda-
ýyň Ony ölümden direldenine ýürekden
iman etseň, halas bolarsyň. 10 Çünki çyn
ýürekden iman edýän adam aklanar,
agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar.
11 Mukaddes Ýazgylar hem: «Oňa bil
baglan utandyrylmaz» diýýändir. 12 Bu
ýahudylara-da, beýleki milletlere-de de-
gişlidir. Sebäbi hemmeleriň Rebbi birdir,
Ol Özüni çagyrýanlaryň baryna sahydyr.
13 Çünki: «Rebbi çagyran her bir ynsan
halas bolar». 14 Ýöne adamlar Hudaýa
iman etmeseler, Ony nädip çagyrsyn?
Hudaý barada eşitmeseler, Oňa nädip
iman etsin? Hudaý barada wagyz edil-
mese, adamlar Ol barada nädip eşitsin?!
15 Eger wagyzçylar iberilmese, nädip
wagyz edilsin? Wagyzçylar barada Mu-
kaddes Ýazgylarda şeýle ýazylgydyr:
«Hoş Habary yglan edýäniň gelşi ne
gözeldir!». 16 Ýöne bu habary hemmeler
kabul etmedi. Işaýa hem bu barada: «Ýa
Reb, biziň habarymyza kim ynandy?»
diýip soraýar. 17 Şunlukda, iman eşit-
mekden, hawa, Isa Mesih hakdaky Hoş
Habary eşitmekden döreýändir. 18 Ýöne
men şuny soramakçy: eýsem ysraýyl
halky Hoş Habary eşitmedimi? Elbet-
de, eşitdi, sebäbi Mukaddes Ýazgylarda
şeýle ýazylgydyr:

«Tutuş ýer ýüzüne ýaýrandyr olaň
owazy,
dünýäniň dört künjegine – olaň
sözleri».

19 Indi şuny hem soraýyn: ýa ysraýyl
halky düşünmedimikä? Elbetde düşündi,
sebäbi Hudaý Musa arkaly olara:

«Men hem millet bolmadyklar
bilen seni gabandyraryn,

**9:33** Işa 8:14; 28:16. **10:5** Lew 18:5. **10:6-7** Kan 9:4; 30:12-13. **10:8** Kan 30:14. **10:11** Işa 28:16. **10:13** Ýow 2:32. **10:15** Işa 52:7. **10:16** Işa 53:1. **10:18** Zeb 18:5. **10:19** Kan 32:21.

akmak bir halk bilen olaryň
gaharyny getirerin»
diýipdi. 20 Işaýa hem:
«Meni agtarmaýanlar Meni
tapdylar,
Meni soramaýanlara Özümi
aýan etdim»
diýip, Rebbiň sözlerini batyrgaýlyk bilen
mälim edýär.
21 Ysraýyl hakda bolsa Reb: «Men pit-
neçi we özdiýenli halka günuzyn ellerimi
uzadyp otyryn» diýip aýdýar.

## 11-nji bap

### *Hudaýa sadyk galanlar*

1 Indi şuny soraýyn: eýsem Hudaý
Öz halkyny ret edäýdimikä? Elbetde,
ýok! Men-de Ybraýymyň neslinden,
benýamin tiresinden bolan ysraýylla-
ryň biridirin. 2 Hudaý Özüniň ezelden
saýlap-seçen halkyny ret edenok. Ýa-da
Mukaddes Ýazgylarda Ylýas pygamber
barada ýazylanlar ýadyňyzda dälmi? Ol
Hudaýa ysraýyl halky barada arz edip,
şeýle diýýär: 3 «Ýa Reb, ysraýyllar Se-
niň pygamberleriňi öldürip, gurbanlyk
sypalaryňy ýykdylar, ýeke men galdym.
Olar janyma kast etmek üçin, indi meni
yzarlap ýörler». 4 Şonda Hudaý oňa näme
jogap berdi? Hudaý: «Men Ysraýylda
Bagal butuna sežde etmedik ýedi müň
adamy Özüme aýryp goýdum» diýdi.
5 Şonuň ýaly häzirki wagtda hem Hu-
daýa sadyk galanlar bar. Olar Hudaýyň
merhemetine görä saýlananlardyr. 6 Mer-
hemete görä saýlanan bolsalar, onda
ynsan işlerine görä saýlanan däldir.
Ýogsa merhemet merhemet bolmazdy. [a]
7 Indi näme? Ysraýyl halky dogrulyga
ymtylsa-da, oňa ýetip bilmedi. Oňa di-
ňe saýlanyp-seçilenler ýetdi, galanlary
bolsa öz doň ýürekleriniň ygtyýaryna
tabşyryldy. 8 Mukaddes Ýazgylarda olar
barada şeýle ýazylgydyr:
«Hudaý olary agyr uka batyrdy,
olara görýän göz,
eşidýän gulak bermedi».
9 Dawut hem olar barada şeýle diýýär:
«Olara öz saçagy gapan we duzak
bolsun,
büdreme daşy we aljak jezasy
bolsun.
10 Goý, gözleri garaňkyrasyn, görüp
bilmesin,
billeri ömürlik bükülip galsyn».

### *Sapylan baldaklar*

11 Onda şeýle sorag ýüze çykýar: eýsem
ýahudylar gaýdyp galmaz ýaly ýykylaý-
dylarmyka? Elbetde, ýok! Hawa, olar Isa
Mesihi ret etdiler, ýöne olaryň bu günäsi
beýleki milletleriň halas edilmegine
sebäp boldy. Beýleki milletleriň halas
edilmegi bolsa ýahudylaryň gabanjaňly-
gyny oýarmalydy. 12 Hawa, ýahudylaryň
bu günäsi bütin dünýäniň ýalkanmagyna
sebäp boldy. Olaryň bu günäsi başga
milletler üçin bähbitli boldy. Eger olaryň
günäsi şeýle ýalkanyşy getiren bolsa,
onda tutuş Ysraýyl Hudaýa dolananda,
bu ýalkanyş gör bak nähili bolar!
13 Indi bolsa size, ýagny ýahudy däl-
lere ýüzlenýärin. Hudaý meni resullyga

---

[a] **11:6** Käbir golýazmalarda *Eger ynsan işlerine görä saýlanan bolsadylar, onda bu eýýäm merhemet-de däldir, ýogsa iş eýýäm iş bolmazdy* diýen jümle hem bar.

---

**10:20-21** Işa 65:1-2. **11:3** 1Pat 19:10. **11:4** 1Pat 19:18. **11:8** Kan 29:4; Işa 29:10. **11:9-10** Zeb 68:23-24.

belläp, size Hoş Habary wagyz etmäge
iberdi. Men muňa diýseň buýsanýaryn.
14 Şunuň bilen birlikde siz arkaly öz ildeş-
lerimiň gabanjaňlygyny oýaryp, olardan
käbiriniň halas bolmagyna ýardam ede-
rin diýen umydym bar. 15 Hawa, Hudaý
ysraýyl halkyny ret etdi. Onuň şeýle
etmegi beýleki milletleriň hem Hudaý
bilen ýaraşmagyna mümkinçilik berdi.
Eger Hudaýyň ret etmesi beýleki halk-
lara şeýle ýalkanyş getiren bolsa, onda
Onuň ysraýyl halkyny gaýtadan kabul
etmegi nämä ýetirer? Ölümden ýaşaýşa
ýetirer! 16 Sebäbi Hudaýa hödür edilen
çörek mukaddes bolsa, şol hamyrdan
bişirilen beýleki çörekler hem mukad-
desdir; eger bagyň köki mukaddes bolsa,
onuň şahalary hem mukaddesdir.

17 Hawa, bagyň käbir şahalary döw-
lüp, ýabany zeýtunyň şahasy bolan
siz oňa sapyldyňyz. Siz idedilip ýe-
tişdirilen zeýtunyň kökünіň şiresine
şärik bolduňyz. 18 Şoňa görä-de, onuň
döwlen şahalarynyň öňünde magtan-
maň, sebäbi siz köki däl-de, kök sizi
saklaýandyr. 19 Onda-da siziň: «Şahalar
biziň sapylmagymyz üçin döwüldi»
diýmegiňiz mümkin. 20 Siz mamla, ýöne
olar imansyzlygy zerarly döwüldi. Siz
bolsa iman arkaly dursuňyz. Şoňa görä,
gopbamsyramaň-da, gaýtam gorkuň.
21 Sebäbi Hudaý bagyň öz şahalaryny
gaýgyrmadyk bolsa, onda sizi, ýagny
sapylan ýabany şahalary asla-da gaý-
gyrmaz. 22 Hudaýyň mähribanlygy we
berkligi barada oýlanyň. Ol ýykylanlar
üçin berkdir, siziň üçin bolsa mährem-
dir. Eger siz Onuň mähribanlygyna bil
baglasaňyz, Ol hem size mährem bolar.
Eger bil baglamasaňyz, siz hem kesilip
taşlanarsyňyz. 23 Ýöne ýoldan çykanlar
hem imansyzlyklaryndan el göterseler,
täzeden sapylarlar. Sebäbi Hudaý ola-
ry baga sapmagy başarýandyr. 24 Eger
siz ýabany zeýtun agajyndan kesilip,
öz tebigy häsiýetleriňize garamazdan,
idedilip ýetişdirilen zeýtuna sapylan
bolsaňyz, onda asly bu bagdan bolan
şahalar öz zeýtunyna has aňsat sapylar!

### *Tutuş Ysraýyl halas ediler*

25 Eý, doganlar, siz tekepbirlige ýüz
urmaz ýaly, şu syrdan habarly bolmagy-
ňyzy isleýärin. Hudaý başga milletlerden
saýlanlarynyň baryny halas edýänçä,
käbir ysraýyllaryň ýüregi ýumşamaz.
26-27 Çünki tutuş ysraýyl halky hut şeýle
halas ediler. Mukaddes Ýazgylarda hem
şeýle ýazylgydyr:

«Men Ýakup nesliniň günälerini
bagyşlanymda,
olar bilen edýän ähtim, ine,
şudur:
Siondan Halasgär geler,
Ol Ýakup neslinden
hudaýsyzlygy aýrar».

28 Ysraýyl halky Hoş Habary kabul
etmän, Hudaýa duşman boldy. Bu bolsa
başga milletler, ýagny siziň üçin bähbit-
li boldy. Ýöne ysraýyl halky şonda-da
Hudaýyň saýlap-seçen halkydyr. Hudaý
olary ata-babalarynyň haky üçin söýýän-
dir. 29 Çünki Hudaý beren peşgeşlerini
yzyna almaýar, Öz çakylygyny ýatyr-
maýar. 30 Siz hem birwagtlar Hudaýa
tabyn däldiňiz. Emma ysraýyllaryň
bitabynlygy arkaly Hudaýyň size mer-
hemet edişi ýaly, 31 olar-da size edilen
merhemete ýetjek bolup, Hudaýa tabyn
bolmaýarlar. 32 Çünki Hudaý hemmelere
merhemet etmek üçin, hemmeleri bita-
bynlygyň tussagy etdi.

**11:26-27** Işa 59:20-21; 27:9.

33 Hudaýyň baýlygy, danalygy we bi-
limi ummasyzdyr! Onuň hökümlerini
kim düşündirip biler? Onuň ýollaryna
kim akyl ýetirip biler?
34 «Rebbe kim akyl ýetirdi?
Kim Oňa maslahat berip bildi?
35 Hudaý bergili bolar ýaly,
kim Oňa zat berdi?»
36 Hiç kim! Çünki bütin barlyk
Hudaýdan bolup, Ol arkaly
we Onuň üçindir!
Oňa baky şan-şöhrat bolsun!
Omyn!

## 12-nji bap

### *Hudaý üçin ýaşamak*

1 Şoňa görä-de, eý, doganlar, Huda-
ýyň merhemetiniň hatyrasy üçin size
ýalbarýaryn: özüňizi Onuň halajak diri
we mukaddes gurbanlygy hökmünde hö-
dürläň. Şeýtseňiz, Hudaýyň huzurynda
mynasyp tärde hyzmat etdigiňiz bolar.
2 Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak
bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp,
özgeriň. Şeýtseňiz, Hudaýyň islegine
düşünmegi, ýagny Ony nämäniň hoşal
edýändigini, nämäniň oňat we kämil-
digini bilmegi başararsyňyz.
3 Özüme berlen merhemetden peý-
dalanyp, siziň hemmäňize şulary
diýýärin: özüňize ýokary baha ber-
mäň. Tersine, Hudaýyň her kime
beren imanyna görä özüňiz babatda
sagdyn düşünjeli boluň. 4 Bedenimizi
mysal hökmünde alalyň: ol bir bolsa-
da, agzalary köpdür, hersiniň-de öz
hyzmaty bardyr. 5 Biz babatda hem
şeýle: köp bolsak-da, Mesih arkaly bir
bedendiris, onuň agzalary hökmünde
biri-birimize baglydyrys. 6 Bize berlen
merhemete görä, her birimiziň dür-
li ruhy peşgeşlerimiz bardyr. Şonuň
üçin-de, kim pygamberlik peşgeşini
alan bolsa, goý, özüne berlen imana
görä pygamberlik etsin. 7 Eger hyz-
mat bolsa, goý, hyzmat etsin; öwrediji
bolsa, goý, öwretsin. 8 Eger nesihatçy
bolsa, nesihat bersin; mätäçlere ha-
ýyr-sahawat ediji bolsa, muny sahylyk
bilen etsin. Eger baştutanlyk berlen
bolsa, muny yhlas bilen ýerine ýetirsin,
rehim-şepagat etmeklik berlen bolsa,
muny göwünjeňlik bilen etsin.

### *Doganlyk söýgüsi*

9 Söýgiňiz ikiýüzli bolmasyn. Ýa-
manlygy ýigrenip, ýagşylyga ýapyşyň.
10 Biri-biriňizi doganlyk söýgüsi bilen
tüýs ýürekden söýüň. Biri-biriňizi
hormatlap, başgalary özüňizden ýo-
kary tutuň. 11 Yhlasyňyz gowşamasyn,
Mukaddes Ruhuň berýän hyjuwy bilen
Rebbe hyzmat ediň. 12 Umydyňyzyň
bardygyna begeniň, muşakgatlara çy-
damly boluň, doga-dilegde erjel boluň.
13 Imandaky doganlaryňyz mätäçlik
çekse, olara kömek beriň, myhmansö-
ýer boluň. 14 Özüňize azar berýänlere
gargamaň, tersine, olar üçin ýagşylyk
diläň. 15 Şatlanýanlaryň şatlygyna şat-
lanyň, aglaýanlaryň agysyna aglaň.
16 Biri-biriňiz bilen oňşukly boluň.
Tekepbir bolmaň, sada adamlar bi-
len dost boluň, özüňizi beýlekilerden
akylly saýmaň. 17 Ýamanlyga ýamanlyk
etmäň, tersine, hemmelere ýagşylyk
etmäge ymtylyň. 18 Oňardygyňyzdan
hemmeler bilen parahat ýaşajak boluň.
19 Eý, ezizlerim, özüňiz ar aljak bolmaň,
muny Hudaýa tabşyryň. Sebäbi Reb:
«Öç Meniňkidir, jezalandyrjak Men-

**11:34** Işa 40:13. **11:35** Eýp 41:3. **12:19** Kan 32:35.

dirin» diýýär. [20] Gaýtam Mukaddes
Ýazgylarda ýazylanlary berjaý ediň:

«Duşmanyň aç bolsa, oňa nan ber,
suwsan bolsa, suw ber.
Şonda onuň başyna köz
goýarsyň».

[21] Ýamanlyk senden üstün gelmesin,
tersine, ýagşylyk edip, ýamanlykdan
üstün bol.

## 13-nji bap

### *Häkimiýete tabynlyk*

[1] Her bir ynsan öz üstünden höküm
sürýän häkimiýete tabyn bolsun, sebäbi
Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet
ýokdur. Höküm sürýän häkimiýetler
Hudaý tarapyndan bellenendir. [2] Şo-
ňa görä, häkimiýete garşy çykýan her
kes Hudaýa garşy çykyp, jeza duçar
bolar. [3] Ýagşy iş edýänler häkimiýet
ýolbaşçylaryndan gorkmaýarlar. Olar-
dan ýaman iş edýänler gorkýandyrlar.
Häkimiýetden gorkman ýaşasyň gel-
ýärmi? Ýagşy işleri et, şonda häkimiýet
seni taryplar. [4] Sebäbi häkimiýet ýolbaş-
çysy seniň ýagşylygyň üçin Hudaýyň
hyzmatkäridir. Ýaman iş edýän bolsaň,
häkimiýet ýolbaşçysyndan gork, sebä-
bi ol gylyjy ýöne ýere göterýän däldir.
Ol Hudaýyň hyzmatkäridir, ýaman iş
edeni jezalandyryp, Hudaýyň gazabyny
onuň üstünden inderýändir. [5] Şoňa görä,
diňe jeza duçar bolmak gorkusyndan
däl, eýsem ynsabyňyzy päk saklamak
üçin häkimiýete tabyn bolmalydyr. [6] Siz
salgytlary hem şu sebäbe görä töleýän-
siňiz. Sebäbi häkimiýet ýolbaşçylary öz
borçlaryny berjaý etmek bilen, Hudaýa
hyzmat edýändirler. [7] Şoňa görä-de, her
kese berilmelisini: salgyt bolsa – salgydy,
gümrük bolsa – gümrügi, gorky bolsa –
gorkyny, hormat bolsa – hormaty beriň.

### *Biri-biriňizi söýüň*

[8] Biri-biriňize söýgüden başga bergi-
ňiz bolmasyn, sebäbi ýakynyny söýýän
adam Musanyň Kanunyny berjaý edýän-
dir. [9] Çünki «Zyna etme, adam öldürme,
ogurlyk etme [a], başganyň zadyna göz
dikme» diýen we başga buýruklaryň
bary «Ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý»
diýen buýrukda jemlenendir. [10] Ýakyny-
ny söýýän adam oňa ýamanlyk edýän
däldir. Şeýdip, başgalary söýýän adam
Musanyň Kanunyny berjaý edýändir.
[11] Şonuň üçin-de, biri-biriňizi söýüp
ýaşaň, häzir zamananyň nähilidigini
bilýänsiňiz. Ukudan oýanmaly saga-
dymyz gelip ýetdi, sebäbi biziň halas
bolmaly pursadymyz Isa Mesihe iman
eden wagtymyzdakydan has golaýlandyr.
[12] Gije geçip, gündiz golaýlady. Şoňa görä
tümlügiň işlerini goýbolsun edip, nuruň
ýaraglaryny dakynalyň. [13] Keýpi-sapa-
lyk, serhoşlyk, zynahorlyk, azgynlyk,
göriplik, dawa-jenjel etmän, gündize
ýaraşýan tärde edepli ýaşalyň. [14] Ynsan
höwesleriňizi nädip kanagatlandyrarkam
diýip oýlanmaň-da, gaýtam, Rebbimiz
Isa Mesihe besleniň.

## 14-nji bap

### *Doganyňy ýazgarma*

[1] Imany gowşagy onuň garaýyşlary
barada jedelleşmezden kabul ediň. [2] My-
sal üçin, käbirleriň imany hemme zady

[a] **13:9** Käbir golýazmalarda *ýalan şaýatlyk etme* diýen jümle hem bar.

**12:20** Sül 25:21-22. **13:9** Msr 20:13-17; Lew 19:18; Kan 5:17-21.

iýmäge ygtyýar etse, käbirleriňki diňe
gök önümleri iýmäge ygtyýar edýändir.
[3] Islendik tagamy iýip bilýän imanly
iýmeýän imanla äsgermezlik etmesin;
iýmeýän-de hemme zady iýýäni ýazgar-
masyn, sebäbi Hudaý ony kabul edendir.
[4] Başga biriniň hyzmatkärini ýazgarar
ýaly sen kimmişiň?! Hyzmatkäriň özüne
buýrulanlary berjaý edip-etmändigini
diňe onuň hojaýyny kesgitleýändir. Ýöne
hyzmatkär özüne buýrulanlary berjaý
edip biler, sebäbi onuň hojaýyny Rebdir,
Ol hyzmatkärini kuwwatlandyrmagy
başarýandyr.

[5] Käbir adamlar bir güni beýleki gün-
lerden has wajyp saýýandyr, käbirleri
bolsa hemme günleri deň görýändir. Goý,
mundan beýlägem her kim öz ynanjyna
görä pikir edibersin. [6] Kim haýsydyr bir
güni wajyp saýýan bolsa, muny Reb üçin
saýýandyr. Kim hemme zady iýýän bolsa,
Reb üçin iýýändir, sebäbi ol iýýän zatlary
üçin Hudaýa şükür edýändir. Kim käbir
zatlary iýmeýän bolsa, Rebbiň hatyrasy
üçin iýmän, Hudaýa şükür edýändir. [7] Hiç
birimiz özümiz üçin ýaşaýan däldiris,
hiç birimiz özümiz üçin ölýän däldiris.
[8] Ýaşaýan bolsak, Reb üçin ýaşaýandy-
rys, ölýän bolsak, Reb üçin ölýändiris.
Şoňa görä, ýaşasak-da, ölsek-de, Rebbe
degişlidiris. [9] Sebäbi Isa Mesih ölüleriň-
de, dirileriň-de Rebbi bolmak üçin ölüp,
direldi. [10] Onda näme üçin käbirleriňiz öz
doganyňyzy ýazgarýarsyňyz? Näme üçin
käbirleriňiz öz doganyňyza äsgermezlik
edýärsiňiz? Biziň barymyz Hudaýyň [a]
höküm kürsüsiniň öňünde durmaly däl-
mi näme? [11] Çünki Mukaddes Ýazgylarda
şeýle ýazylgydyr:

«Reb: „Öz barlygymdan ant
içýärin,
her kes öňümde dyz eper,
her bir dil Meni alkyşlar“ diýýär».

[12] Hawa, her birimiz Hudaýyň öňünde
özümiz üçin jogap bereris. [13] Şoňa görä-
de, biri-birimizi ýazgarmalyň. Gaýtam,
doganymyzyň büdräp, ýykylmagyna
sebäp bolaýjak hereketlerden saklan-
magyň pikirini edeliň.

[14] Men hiç bir zadyň öz-özünden haram
däldigini bilýärin, Rebbim Isa Mesih hem
meni bu babatda ynandyrýar. Ýöne kim
haýsydyr bir zady haram saýýan bolsa,
onuň üçin haramdyr. [15] Eger sen dogany-
ňy ynjydaýjak zady iýýän bolsaň, onda
ony söýmediginiňdir. Iýýän tagamyň zerar-
ly öz doganyňyň imanyny weýran etme,
Isa Mesih onuň ugrunda öldi ahyryn.
[16] Şeýlelikde, ýagşy saýýan zatlaryňyz
erbet gürrüňleriň döremegine sebäp
bolmasyn. [17] Çünki Hudaýyň Şalygy
iýmek-içmek däl-de, Mukaddes Ruhuň
peşgeş berýän dogrulygy, parahatlygy
we şatlygydyr. [18] Kim Isa Mesihe şeýle
hyzmat edýän bolsa, Hudaýy hoşnut edip,
adamlaryň hormatyna mynasypdyr. [19] Şo-
nuň üçin-de, parahatlyga, biri-birimizi
imanda güýçlendirmäge ýardam etjek
işleri etmäge dyrjaşalyň. [20] Haýsydyr
bir tagam zerarly Hudaýyň işini weýran
etmäliň. Hemme zat tämizdir, ýöne doga-
nynyň imanda büdremegine sebäp bolýan
zady iýýän adam nädogry edýändir. [21] Et
iýmek, şerap içmek ýa-da haýsydyr başga
bir zat doganyňyň büdremegine sebäp
bolýan bolsa, olary etmezlik ýagşydyr.
[22] Iýip-içmeklik baradaky ynançlaryňy
diňe özüň we Hudaý bilsin.

---

[a] **14:10** ***Hudaýyň*** – käbir golýazmalarda *Mesihiň.*

**14:11** Işa 45:23.

Öz ynanjyna görä hereket edip, öz-
özüni ýazgarmaýan adam bagtlydyr.
23 Iýip-de, öz iýýäni barada şübhelenýän
adam eýýäm höküm edilendir, sebäbi ol
öz imanyna görä hereket edýän däldir.
Imana görä edilmedik zat günädir. [a]

## 15-nji bap

### *Ylalaşykly boluň*

1 Biz, imany güýçlüler, diňe öz göwnü-
mizden turjak bolmaly däl-de, gaýtam,
imany gowşaklaryň ejizliklerine geçi-
rimli bolmalydyrys. 2 Biziň her birimiz
öz ýakynynyň imanyny güýçlendirjek
zatlaryň pikirini edip, onuň göwnün-
den turmalydyrys. 3 Sebäbi «Saňa dil
ýetirýänleriň gepi başyma indi» diýip
ýazylyşy ýaly, hatda Isa Mesihhem Öz
göwnünden turjak bolan däldir. 4 Mukad-
des Ýazgylarda ýazylanlaryň bary bize
taglym öwretmek üçin ýazylandyr. Biz
Mukaddes Ýazgylar arkaly sabyr-takatly
bolmagy öwrenýäris, olaryň berýän te-
sellisi arkaly umytlydyrys. 5-6 Isa Mesihe
eýerip, Onuň Atasy bolan Hudaýymyzy
bir ýürekden we biragyzdan şöhratlandy-
ryp bileriňiz ýaly, goý, sabyrlylygyň we
tesselliniň gözbaşy bolan Hudaý size ag-
zybirlik bersin. 7 Şoňa görä-de, Hudaýy
şöhratlandyrmak üçin, Isa Mesih sizi nä-
hili kabul eden bolsa, siz-de biri-biriňizi
şonuň ýaly kabul ediň. 8 Çünki Isa Mesih
Hudaýyň sadyklygyny aýan edip, ata-ba-
balara berlen wadanyň berjaý bolmagy
üçin ýahudylaryň hyzmatkäri boldy.
9 Hawa, Isa Mesih muny ýahudy dälle-
riň hem Hudaýy Onuň merhemeti üçin
şöhratlandyrsynlar diýip etdi. Çünki
Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylgydyr:

«Munuň üçin milletler arasynda
Seni alkyşlaryn,
men Seniň adyňa nagma aýdaryn».
10 «Onuň halky bilen şatlanyň, eý,
halklar!»

diýip hem ýazylgydyr.

11 «Rebbi şöhratlandyryň, ähli
milletler!
Oňa alkyş aýdyň, eý, ähli halklar!»
diýip hem ýazylgydyr.

12 Işaýa pygamberiň kitabynda hem
şeýle ýazylgydyr:

«Ýyşaýyň Köki peýda bolar,
Ol halklara Hökümdar bolar,
milletler Oňa umyt baglar».

13 Mukaddes Ruhuň güýji bilen umy-
dyňyzyň artmagy üçin, umydyň gözbaşy
bolan Hudaý imanyňyz arkaly, goý, sizi
şatlykdan we parahatlykdan pürepür etsin.

### *Pawlus öz resullygy barada aýdýar*

14 Eý, doganlarym! Men siziň ýag-
şylykdan doludygyňyza, hemme zady
bilýändigiňize, biri-biriňize öwüt ber-
megi başarýandygyňyza berk ynanýaryn.
15 Ýöne şonda-da, size käbir zatlary ýat-
latmak üçin, şu hatymyň kä ýerini
batyrgaýlyk bilen ýazdym. Çünki Hudaý
maňa merhemet edip, 16 meni Isa Mesihiň
hyzmatkäri hökmünde başga milletleriň
arasyna iberdi. Men olara Hoş Habary
wagyz edip, öz ruhanylyk borjumy berjaý
edýärin. Şeýdip, bu milletler Mukaddes
Ruh arkaly Hudaýyň mukaddes halky we
Onuň halaýan sadakasy bolar. 17 Şoňa görä,
busanaýsam-da, diňe Isa Mesih arkaly

---

[a] **14:23** Käbir golýazmalaryň şu babynda 24-nji aýatdan 26-njy aýada çenli hem bar. Beýleki golýazmalarda olar 16-njy bap 25-nji aýatdan 27-nji aýatlara çenli duş gelýär.

---

**15:3** Zeb 68:10. **15:9** Zeb 17:50. **15:10** Kan 32:43. **15:11** Zeb 116:1. **15:12** Işa 11:10.

Hudaýa hyzmat edýändigime buýsanaryn.
18 Hawa, muny batyrgaýlyk bilen diýýärin,
sebäbi başga milletleriň Hudaýa tabyn
bolmagy üçin, Isa Mesihiň özüm arkaly
eden işleri barada aýdýandyryn. Ol mu-
ny sözde we işde, 19 alamatlar, mugjyzalar
we Mukaddes Ruhuň güýji arkaly amal
etdi. Şeýlelikde, men Iýerusalimden Illi-
riýa welaýatyna çenli aýlanyp, Isa Mesih
baradaky Hoş Habary doly ýaýratdym.
20 Meniň göwün arzuwym başga biriniň
tutan binýadynyň üstünde gurman, Me-
sihiň ady heniz eşidilmedik ýerlerde Hoş
Habary wagyz etmekdir. 21 Çünki Mukad-
des Ýazgylarda şeýle ýazylgydyr:

«Ondan habarsyz bolanlar Ony
görerler,
Ol hakda eşitmedikler indi
düşünerler».

22 Ençeme gezek synanyşandygyma ga-
ramazdan, hut şu hyzmatym sebäpli siziň
ýanyňyza köpden bäri baryp-da bilmedim.

### *Pawlus Rime gitmäge niýetlenýär*

23 Indi bolsa bu sebitlerdäki işimi ta-
mamladym. Men köp ýyllardan bäri size
barmagy arzuw edendigim üçin, 24 Ispani-
ýa barýarkam ýanyňyza sowlup geçerin.
Az salymlyk bolsa-da, siziň bilen didar-
laşanymdan soň, ýol şaýymy tutup, meni
ýola salarsyňyz diýen umydym bar. 25 Hä-
zir bolsa Hudaýyň halkyna hyzmat etmek
üçin Iýerusalime barýaryn, 26 sebäbi Ma-
kedoniýadaky we Ahaýadaky ýygnaklar
Iýerusalimdäki ýygnagyň mätäçlerine
maddy kömegini ibermegi makul gördü-
ler. 27 Hawa, olar muny göwünjeňlik bilen
etdiler, aslynda olar şeýle-de etmelidiler.
Çünki ýahudy imanlylar başga halklar
bilen öz ruhy patalaryny paýlaşdylar.
Şoňa görä-de, başga halklar hem öz ge-
zeginde olara maddy mätäçliklerinde
kömek bermäge borçludyrlar. 28 Men ola-
ryň maddy kömegini Iýerusalime ýetirip,
bu işi bitirenimden soň, siziň üstüňiz
bilen Ispaniýa ugramakçy. 29 Siziň ýany-
ňyza baranymda bolsa, bilelikde geçirjek
wagtymyzy Isa Mesihiň boldan-bol ýal-
kajakdygyna ynanýaryn.

30 Eý, doganlar, Rebbimiz Isa Mesihiň
we Mukaddes Ruhuň söýgüsiniň hatyra-
syna ýalbarýaryn: meniň üçin Hudaýa
doga-dileg etmek bilen, meniň göreşime
goşulyň. 31 Hawa, Ýahudyýadaky iman-
syzlaryň maňa zyýan ýetirmezligi üçin,
Hudaýyň şol ýerdäki halky tarapyn-
dan Iýerusalimdäki hyzmatymyň kabul
edilmegi üçin Hudaýa doga-dileg ediň.
32 Onsoň, Hudaý ýol berse, ýanyňyza
şatlyk bilen baryp, siziň bilen biraz dynç
alaryn. 33 Parahatlyk Hudaýy, goý, siziň
baryňyza ýar bolsun! Omyn!

## 16-njy bap

### *Soňky salamlar*

1 Kenhreýadaky ýygnagyň hyzmatçysy
aýal doganymyz Fibini size tabşyrýaryn.
2 Ony Rebbimiziň haky üçin, imanly-
lara gelişýän tärde myhman alyň, ähli
mätäçliklerinde kömek beriň. Çünki
ol köplere, şol sanda maňa-da ençeme
gezek kömek etdi.

3 Isa Mesihe hyzmat edýän işdeş-
lerim Priska [a] we Akila salam aýdyň.
4 Olar meniň üçin öz janlaryny howp
astyna saldylar; olara diňe men däl, baş-
ga milletlerden bolan ýygnaklar hem

[a] **16:3** ***Priska*** – bu Priskillanyň beýleki ady.

**15:21** Işa 52:15.

minnetdardyrlar. 5 Olaryň öýünde ýyg-
nanýan ýygnaga-da salam aýdyň. Eziz
dostum Epenete hem salam aýdyň; ol Azi-
ýa welaýatyndakylaryň arasynda ilkinji
bolup Isa Mesihe iman etdi. 6 Siziň üçin
arman-ýadaman zähmet çeken Merýeme
salam aýdyň. 7 Meniň bilen tussaglykda
bolan tiredeşlerim Andronik bilen Ýuniýa
salam aýdyň. Olar resullaryň arasynda at-
abraý gazanyp, Mesihe menden öň iman
edipdiler. 8 Reb arkaly eziz dostum bolan
Ompliýata salam aýdyň. 9 Isa Mesihe
hyzmat edýän işdeşlerim Urbana, eziz
dostum Ystaha salam aýdyň.

10 Mesihiň sadyk şägirdi Apelä salam
aýdyň. Aristobulyň öý-içersine hem
salam aýdyň.

11 Tiredeşim Hirodiýuna salam aý-
dyň. Narkusyň içersinden Rebbe iman
edýänlere salam aýdyň. 12 Reb üçin
arman-ýadaman zähmet çekýän aýal
doganlarymyz Trufaýyna we Trufo-
sa salam aýdyň. Reb üçin köp zähmet
çekýän eziz aýal doganymyz Perse hem
salam aýdyň. 13 Reb tarapyndan saýla-
nyp-seçilen imandaky doganym Rufusa
we onuň enesine salam aýdyň. Rufusyň
enesi maňa-da hut öz ogly ýaly garaýar.
14 Asinkrite, Flegona, Hermese, Patroba,
Hermä we olaryň ýanyndaky doganlara
salam aýdyň. 15 Filologa, Ýuliýa, Olimpa,
Nereýe, onuň aýal doganyna we olaryň
ýanyndaky Hudaý halkynyň baryna sa-
lam aýdyň. 16 Biri-biriňizi mähirli ogşap
salamlaşyň. Isa Mesihe degişli bolan
ýygnaklaryň bary size salam iberýär.

17 Eý, doganlar, size öwredilen taglyma-
ta garşy çykyp, araňyzda agzalalyklary
döredýänlerden, imanyňyza böwet bol-
ýanlardan ägä boluň diýip ýalbarýaryn.
Şeýle adamlardan gaça duruň. 18 Çünki
olar Rebbimiz Isa Mesihe däl-de, öz gara
garynlaryna hyzmat edýändirler. Olar
süýji sözler we ýaranjaňlyk bilen gepläp,
sada adamlary aldawa salýandyrlar. 19 Si-
ziň tabynlygyňyz hemmelere mälimdir.
Men siziň şeýledigiňize biçak begenýä-
rin, ýöne siziň ýagşyny ýamandan aýdyň
saýgarar ýaly paýhasly bolmagyňyzy,
ýamanlyga ýanaşmazlygyňyzy isleýärin.
20 Parahatlygyň gözbaşy bolan Hudaý
bolsa tiz wagtda şeýtany aýaklaryňyzyň
astynda mynjyradar. Goý, Rebbimiz Isa
Mesihiň merhemeti size ýar bolsun! 21 Iş-
deşim Timoteos, tiredeşim Lukiý, Ýason
we Sosipater dagy size salam ýollaýarlar.
22 Bu haty kagyza ýazyp oturan men
Tertiý Rebbe iman edýän doganyňyz
hökmünde size salam ýollaýaryn.

23 Men Pawlusy myhman alyp, ýygnak-
lary öz öýünde geçirmäge mümkinçilik
döreden Gaýus size salam ýollaýar. Şä-
heriň gaznaçysy Erast we doganymyz
Kuwart size salam ýollaýar. [a] 25 Meniň
wagyz edýän Hoş Habaryma, ýagny
Isa Mesih baradaky taglymata ynanan
sizi imanda berkitmegi başarýan Hu-
daýa şan-şöhrat bolsun! Bu Hoş Habar
ençeme asyrlaryň dowamynda ýaşyryn
saklanyp, indi aýan edilen bir syrdyr.
26 Hawa, bu Hoş Habar aýan boldy. Ol
ähli milletleriň baky Hudaýyň emrine
görä Oňa tabyn bolmagy üçin pygam-
berleriň ýazgylary arkaly aýan edildi.
27 Dana we ýeke-täk Hudaýa Isa Mesih
arkaly baky şan-şöhrat bolsun! Omyn! [b]

[a] **16:23** Käbir golýazmalarda 24-nji aýat duş gelýär: *Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti siziň ähliňize ýar bolsun! Omyn!.*

[b] **16:27** 25 – 27-nji aýatlar käbir golýazmalarda ýok. Olar beýleki golýazmalarda 14-nji bap 23-nji aýatdan soň gelýär.

# Pawlusyň korintoslylara birinji haty

## Giriş

Pawlusyň ýazan bu haty «Pawlusyň korintoslylara birinji haty» diýip atlandyrylýandygyna garamazdan, ol Korintosdaky ýygnaga ýazylan ilkinji hat däldir. Sebäbi ol bu hatynda öňki ýazan hatyna salgylanyp, şeýle ýazýar: «Men size azgyn adamlar bilen gatnaşmaň diýip öň ýazypdym» (5:9). Korintosdaky ýygnagyň imanlylary hem käbir zatlary aýdyňlaşdyrmak üçin ozal Pawlusa hat ýazypdyrlar (7:1). Şonuň üçin-de, 1-nji Korintoslylaryň käbir parçalarynda hut şol soraglara jogap berilýär.

Korintos Gresiýanyň günortasynda ýerleşýän gadymy port şäheridir. Pawlus öz wagyzlaryny şu şäherde ýerleşýän ýahudylaryň sinagogasynda başlaýar. Ýöne soňra ol sinagoganyň gapdalynda ýerleşýän öýe baryp wagzyny dowam etdirmeli bolýar. Bu öýde ýahudy bolmasa-da, Isa iman edip, Onuň şägirdi bolan adam ýaşaýardy (Resullaryň işleri 18:1-17). Korintosdaky imanlylaryň arasynda baýlar (1 Korintoslylar 11:18-21), hatda şäher gaznaçysy bolsa-da (Rimliler 16:23), olaryň köpüsi garyp adamlardy (1 Korintoslylar 1:26-29). Pawlus Korintosda bolan wagtynda eklenmek üçin çadyr tikmek bilen meşgullanýardy (Resullaryň işleri 18:3; 1 Korintoslylar 4:12; 9:1-18).

Korintosly imanlylaryň arasynda döreýän agzalalyklar (1:10–4:21), olaryň biri-birlerine bolan nädogry garaýyşlary (5:1–6:20) Pawlusy örän aladalandyrýar. Ol käbir mesihileriň hereketini ýazgaryp, Isa Mesihiň Hoş Habarynyň asyl manysyny olara düşündirýär. Şeýle-de ol nika (7:1-40), butlara hödür edilýän gurbanlyklary iýip-iýmezlik (8:1-13) barasyndaky soraglaryna jogap berýär. Pawlus olara Hudaýa dogry tärde sežde etmelidigini ündeýär. Ol Isa Mesihiň direlendigine iman edýänleriň indi ölümiň ygtyýaryndan azatdyklaryny nygtap: «Eý, ölüm, hany seniň ýeňşiň? Eý, ölüm, hany seniň zäherli neşderiň?» diýip, Hoşeýanyň pygamberlik bilen aýdanlaryny mysal getirýär (15:55).

Pawlus olara biri-birlerini söýmegi ündäp, ýygnakdaky ähli kynçylyklary söýgi arkaly ýeňip bolýandygyny nygtaýar. Ol söýginiň hatda iman bilen umytdan hem güýçlüdigini aýdýar:

*Söýgi sabyrlydyr, mähribandyr. Söýgi bahyllyk edýän däldir, özüni beýgeldýän däldir. Söýgi gopbamsyramaýar, biabraýlyk etmeýär. Söýgi öz bähbidini aramaýar, gaharlanmaýar, öýke-kine saklamaýar. Söýgi ýamanlyga şatlanmaýar, ol hakykata şatlanýandyr. Söýgi*

*hemme zady bagyşlaýandyr, elmydama ynanýandyr. Söýgi hiç haçan umytdan düşýän däldir, hemme zada çydaýandyr. Pygamberlikler tamamlanar, diller ýiter, bilim gutarar, söýgi bolsa asla tükenmez.*

*13:4-8*

***Mazmuny***


Salamlar we doga-dilegler ... *1:1-9*
Ylalaşykly bolmaga çagyryş ... *1:10–4:21*
Ýygnakdaky gatnaşyklar ... *5:1–7:40*
Butlara däl-de, ýeke-täk Hudaýa hormat goýmak ... *8:1–11:1*
Ybadat etmek we ýygnagyň durmuşy barada tabşyryklar ... *11:2–14:40*
Mesihiň ölümden üstün çykmagy ... *15:1-58*
Mätäçler üçin sadakalar ... *16:1-4*
Pawlusyň syýahat meýilnamasy ... *16:5-12*
Şahsy öwütler we salamlar ... *16:13-24*


## 1-nji bap

1 Hudaýyň yradasy bilen Isa Mesihiň
resuly bolan men Pawlusdan we doganymyz Sosfenden
2 Hudaýyň Korintosdaky
ýygnagyna dogaýy salam! Isa Mesih arkaly Hudaýyň mukaddes halky bolmaga
çagyrylanlaryň baryna dogaýy salam!
Şeýle-de hemmämiziň Rebbimiz bolan
Isa Mesihe ybadat edýänleriň baryna
dogaýy salam!
3 Atamyz Hudaýyň we
Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti, parahatlygy, goý, size ýar bolsun!
4 Hudaý
Isa Mesih arkaly size merhemet eçildi.
Men munuň üçin hemişe Hudaýyma
şükürler edýärin.
5 Çünki siz Isa Mesih
arkaly ähli zada: dilewarlyga-da, bilim
hazynasyna-da eýe bolduňyz.
6 Bu bolsa
meniň size Isa Mesih babatda aýdanlarymyň hakykatdygyny tassyklaýar.
7 Şoňa görä-de, indi siziň, ýagny Isa
Mesihiň gökden inmegine sabyrsyzlyk
bilen garaşýanlaryň ruhy peşgeşler babatda hiç bir ýetmezi ýokdur.
8 Rebbimiz
Isa Mesihiň geljek gününde aýypsyz
bolmagyňyz üçin, Onuň Özi sizi ahyra
çenli berkider.
9 Sizi Öz Ogly Isa Mesih
bilen ýakyn gatnaşykda bolmaga çagyran Hudaý ynamdardyr.

### *Imanlylar ýygnagyndaky bölünişikler*

10 Eý, doganlar, men size Rebbimiz Isa
Mesihiň adyndan ýalbarýaryn: biri-biriňiz bilen ylalaşykly boluň. Araňyzda
agzalalyklara ýol bermäň, pikirleriňiz we
garaýyşlaryňyz bir bolsun.
11 Eý, doganlar! Hloýanyň öýündäki adamlar siziň
araňyzda dawa-jenjelleriň bardygyny
maňa habar berdiler.
12 Men siziň diýýänleriňizi nazara alyp şeýle diýýärin,
sebäbi biriňiz «men Pawlusyň şägirdi»,
ýene biriňiz «men Apollonyň şägirdi»,
başga biriňiz bolsa «men Petrusyň [a]
şägirdi», ýene biriňiz «men Mesihiň
şägirdi» diýýärmişiňiz.
13 Eýsem Mesih
bölünäýdimikä? Siziň üçin haça Pawlus çüýlendimi? Siz Pawlusyň yzyna

[a] **1:12** ***Petrus*** – grekçe *Kepas,* bu Petrusyň beýleki ady.

eýerijiler hökmünde suwa çümdürildiňizmi? [14]Hudaýa müň-de bir şükür, men Krispus bilen Gaýusdan başgaňyzy suwa çümdürmedim. [15]Şonuň üçin-de, hiç kim meniň adym bilen suwa çümdürilendigini aýdyp bilmez.
[16](Hawa, men Stepanasyň öý-içerisini hem suwa çümdüripdim. Ýene kimdir birini suwa çümdürip-çümdürmändigim ýadyma düşmeýär.) [17]Mesih meni suwa çümdürmäge däl-de, Hoş Habary wagyz etmäge iberdi. Emma Isa Mesihiň haçdaky ölümi puja çykmaz ýaly, men bu habary ynsan danalygynyň sözleri bilen wagyz etmeli däl.

### *Isa Mesih Hudaýyň danalygy we gudratydyr*

[18]Heläkçilik ýolundan barýan adamlar üçin haç baradaky habar akmaklykdyr. Emma biz, ýagny gutulyş ýolundan barýanlar üçin bu habar Hudaýyň gudratydyr. [19]Çünki Mukaddes Ýazgylarda:
«Men danalary danalykdan
mahrum ederin,
akyllylary akyldan aýraryn»
diýip ýazylgydyr.
[20]Hany dana kişi? Töwrady öwredýän hany? Bu döwrüň alymy hany? Eýsem Hudaý dünýä danalygynyň akmaklykdygyny görkezmedimi? [21]Hudaý dünýä öz akylyna daýanyp, Oňa akyl ýetirip bilmez diýen karar geldi. Şoňa görä-de, akmak saýylýan habarymyz arkaly Hudaý iman edýänleri halas etmegi ýüregine düwdi. [22]Ýahudylar gudratly alamatlary talap edýärler. Grekler paýhasy agtarýarlar. [23]Biz bolsa haça çüýlenen Isa Mesihi wagyz edýäris. Mesih ýahudylar üçin büdreme daşydyr, ýahudy däller üçin bolsa akmaklykdyr.
[24]Emma çagyrylanlar üçin: ýahudy ýa ýahudy däl, parhy ýok, Mesih Hudaýyň gudraty we danalygydyr. [25]Çünki Hudaýyň «akmaklygy» ynsan danalygyndan danadyr. Hudaýyň «ejizligi» hem ynsan güýjünden güýçlüdir!
[26]Eý, doganlar! Hudaý sizi çagyrmanka özüňiziň kim bolandygyňyzy ýada salyň. Araňyzda ynsan nukdaýnazaryndan dana, ygtyýarly, asylzada saýylýanlaryňyz köp däldi. [27]Emma danalary utandyrmak üçin, Hudaý bu dünýäniň akmak saýýanlaryny saýlady. Güýçlülerini utandyrmak üçin hem bu dünýäniň ejiz saýýanlaryny saýlady.
[28]Hudaý dünýäniň abraýly saýýanlaryny hiç etmek üçin, asylsyzlary we äsgerilmeýänleri, ýagny hiç saýylýanlary saýlady. [29]Şoňa görä-de, goý, hiç kim Hudaýyň huzurynda öwünmesin!
[30]Çünki siz Isa Mesih bilen diňe Hudaý arkaly birigensiňiz. Isa Mesih biziň üçin Hudaýyň danalygydyr. Biz Ol arkaly aklanyp päklendik. Isa Mesih bizi Özüne mukaddes halk edinip, günälerimiziň jezasyndan gutardy. [31]Şunlukda, Mukaddes Ýazgylarda ýazylyşy ýaly: «Öwünýän diňe Reb bilen öwünsin».

## 2-nji bap

[1]Eý, doganlar, men size Hudaý baradaky şaýatlygy yglan etmäge baranymda, dilewarlyk ýa söz danalygy bilen barmandym. [2]Men siziň araňyzdakam, Isa Mesihden we Onuň haça çüýlenmeginden başga ähli zady unutmagy ýüregime düwüpdim. [3]Men ýanyňyza baranymda ejizdim, gorkudan ýaňa galpyldaýardym.
[4]Men wagyz edenimde sizi ynandyrmak üçin paýhasly sözleri ulanmadym. Sizi ynandyran zat Hudaýyň Ruhunyň aýan

**1:19** Işa 29:14. **1:31** Ýrm 9:24.

bolan güýjüdi. [5]Bu siziň imanyňyzyň
ynsan paýhasyna däl-de, Hudaýyň güý-
jüne daýanmagy üçindi.

### *Hudaýyň danalygy Mukaddes Ruh arkaly aýan bolýar*

[6]Hawa, biz danalygy kämilleriň ara-
synda wagyz edýäris. Biziň wagyz edýän
danalygymyz bu eýýamyň ýa-da dün-
ýädäki wagtlaýyn, soňy puç bolýan
ygtyýarlylaryň danalygy däldir. [7]Biz
Hudaýyň syrly, ýaşyryn saklanylan da-
nalygyny sözleýäris. Hudaý bu danalygy
biziň hem Onuň şöhratyna şärik bolma-
gymyz üçin, ony dünýä ýaradylmazdan
öň niýetläpdi. [8]Bu danalyga dünýä ygty-
ýarlylarynyň hiç biri düşünmedi. Çünki
düşünen bolsadylar, şöhratly Rebbi haça
çüýlemezdiler. [9]Emma Mukaddes Ýaz-
gylarda ýazylyşy ýaly:

«Hudaýy söýýänler üçin
Onuň taýynlan zatlaryny
ne göz görüpdi, ne-de gulak
eşidipdi,
ne-de ynsan akyly çaklapdy».

[10]Bize bolsa Hudaý bu danalygy Öz Ruhy
arkaly aýan etdi. Çünki Mukaddes Ruh
ähli zady, hatda Hudaýyň çuň pikirlerine
düşünýändir. [11]Ynsanyň pikirlerini onuň
içindäki öz ruhundan başga hiç kim bil-
meýär. Hudaý babatda hem şeýle: Onuň
Öz Ruhundan başga hiç kim Hudaýyň
pikirlerini bilýän däldir. [12]Biz bu dünýä-
niň ruhuny alan däldiris. Biz Hudaýyň
Öz merhemeti arkaly bize eçilenlerine
düşünerimiz ýaly, Hudaýyň Ruhuny
alandyrys. [13]Biz bulary ynsan dana-
lygynyň öwreden sözleri bilen däl-de,
Mukaddes Ruhuň öwreden sözleri bilen
aýdýarys. Biz ruhy hakykaty ruhy sözler
bilen düşündirýäris [a]. [14]Mukaddes Ruha
eýermeýän ynsan Hudaýyň Ruhundan
bolan zatlara düşünmeýär. Ol bulary
akmaklyk saýýar. Çünki Mukaddes
Ruhuň pikirlerine diňe Oňa eýerýän-
ler düşünýändirler. [15]Mukaddes Ruha
eýerýän adam hemme zada baha berip
bilýär, emma başgalar bu adama baha
bererden ejizdir.

[16] «Rebbe kim akyl ýetirdi?
Kim Oňa maslahat berip bildi?»

Emma bizde welin Isa Mesihiň akyly
bardyr.

## 3-nji bap

[1]Eý, doganlar, men siziň bilen Mukad-
des Ruhdan dolan ynsanlar hökmünde
gürleşip bilmedim. Men size bu dünýä-
niň ynsanlaryna, Mesihe ýaňy-ýakynda
iman eden ynsanlara gürrüň beren ýaly
gürrüň berdim. [2]Size gaty-guty berme-
dim, süýt berdim. Sebäbi siz gaty-gutyny
iýmäge heniz taýyn däldiňiz. Şindi hem
taýyn dälsiňiz. [3]Bu dünýä heniz-de si-
ze öz täsirini ýetirýär, sebäbi araňyzda
göriplik, dawa-jenjel bar. Eýsem bular
siziň dünýä degişlidigiňizi aňlatmaýar-
my? Siz dünýewi adamlar ýaly hereket
etmeýärsiňizmi näme? [4]Biriňiz «men
Pawlusyň şägirdi», başgaňyz «men Apol-
lonyň şägirdi» diýýärsiňiz. Eýsem şeýle
diýmek bilen, dünýewi adamlar ýaly
hereket etmeýärsiňizmi? [5]Apollo kim?
Pawlus kim? Bular siziň Isa Mesihe iman
getirmegiňize ýardam beren hyzmatçy-
lar ahyryn. Rebbiň belleýşi ýaly, biziň

---

[a] **2:13** ***Biz ruhy hakykaty ruhy sözler bilen düşündirýäris*** – ýa-da *Biz ruhy zatlary Ruha eýerýän adamlara düşündirýäris.*

---

**2:9** Işa 64:4. **2:16** Işa 40:13.

herimiz öz işimizi ýerine ýetirdik. 6 Men
tohum ekdim, Apollo suwardy. Emma
ösdüren Hudaýdyr. 7 Şunlukda, eken-de,
suwaran-da hiçdir. Diňe ösdürýän Hudaý
ähmiýetlidir. 8 Ekýäniň-de, suwarýa-
nyň-da maksady birdir. Olaryň hersi
öz çeken zähmetine görä sylaglanar.
9 Çünki biz Hudaýyň işdeşidiris; siz
Hudaýyň ekini, Onuň ymaratysyňyz.
10 Men Hudaýyň özüme beren merhemeti
arkaly ussat binagär kimin ymaratyň
binýadyny tutdum. Başga biri bolsa
binany gurýar. Ýöne her kes öz gur-
ýany babatda ünsli bolmalydyr. 11 Hiç
kim eýýäm tutulan binýatdan, ýagny
Isa Mesihden başga bir binýady tutup
bilmez. 12 Bu binýadyň üstünde bolsa
kimiň altyndan, kümüşden, gymmat-
baha daşlardan, agaçdan, çöp-çalamdan
ýa-da samandan 13 gurandygy soňra belli
bolar. Bu Rebbiň gününde ot-alaw arkaly
aýan bolar. Ot-alaw her kesiň eden işiniň
nähilidigini synar. 14 Eger onuň guran
binasy oda çydasa, ol öz sylagyny alar.
15 Guran binasy otda köýse, ol ýitgi çeker.
Ýöne altyn-kümşüň otda arassalanyşy
ýaly saplanyp, halas bolar. 16 Eýsem siz
özüňiziň Hudaýyň ybadathanasydy-
gyňyzy, araňyzda Hudaýyň Ruhunyň
ýaşaýandygyny bilmeýärsiňizmi? 17 Hu-
daýyň ybadathanasyny weýran edeni
Hudaý weýran eder. Çünki Hudaýyň
ybadathanasy mukaddesdir, şol ybadat-
hana – sizsiňiz. 18 Goý, hiç kim öz-özüni
aldamasyn. Eger kimdir biri özüni dün-
ýä ölçegine laýyklykda dana saýýan
bolsa, goý, «akmak» bolsun. Şonda ol
dogrudan-da dana bolar. 19 Çünki bu
dünýäniň danalygy Hudaýyň nazarynda
akmaklykdyr. Mukaddes Ýazgylarda:
«Hudaý akyllysyraýany öz hilesinde
tutýar» diýip ýazylgydyr. 20 «Reb dana-
laryň pikirleriniň panydygyny bilýär».
21 Şunlukda, kimdir birine degişlidigiňiz
babatda öwünmäň! Çünki hemme zat
siziňkidir: 22 Pawlus-da, Apollo-da, Pet-
rus-da[a], dünýä-de, ýaşaýyş-da, ölüm-de,
şu wagt we gelejek-de – hemme zat si-
ziňkidir. 23 Siz Mesihiňkisiňiz, Mesih
bolsa Hudaýyňkydyr.

### 4-nji bap

1 Adamlar bize, goý, Mesihiň hyz-
matçylary, Hudaýyň syrlaryny aýan
edýän hyzmatçylar hökmünde gara-
synlar. 2 Şeýle hyzmatçylardan bolsa
sadyklyk talap edilýändir. 3 Siziň ýa-da
islendik ynsan kazyýetiniň maňa nähili
höküm çykarýandygy meni az gyzyk-
landyrýar. Öz üstümden hatda özüm-de
höküm çykaramok. 4 Ynsabym päk bolsa
bolubersin, ýöne bu barybir meni ak-
lamaýar. Maňa Reb kazylyk edýändir.
5 Şoňa görä-de, bellenilen wagt ýetýänçä,
hiç kimiň üstünden höküm çykarmaň.
Reb gelýänçä garaşyň. Ol garaňkylyk-
daky gizlin zatlary ýagtylyga çykarar,
adamlaryň ýürek niýetlerini aýan eder.
Şonda her kes Hudaýdan öz edenine la-
ýyk öwgüsini alar. 6 Eý, doganlar! Men
aýdanlarymyň baryny siziň peýdaňyza
bolsun diýip, özüm we Apollo barada
aýtdym. Şonda siz göreldämiz arkaly
«Ýazylanyň çäginden çykmaň» diýle-
nine düşünip, kimdir birini beýlekiden
ýokary tutmarsyňyz. 7 Eýsem siz beýleki-
lerden üýtgeşikmi? Siz özüňizdäkileriň
baryny Hudaýdan almadyňyzmy näme?

---

[a] **3:22** ***Petrus*** – grekçe *Kepas*, bu Petrusyň beýleki ady.

---

**3:19** Eýp 5:13. **3:20** Zeb 93:11.

Eger Ondan alan bolsaňyz, näme üçin
özüňiz gazanan ýaly öwünýärsiňiz?!
[8]Siz eýýäm doýup, aşa düşüpsiňiz! Siz
eýýäm baýapsyňyz! Bizsiz höküm sür-
düňiz. Wah, käşgä dogrudan-da höküm
sürsediňiz! Şonda biz-de siziň bilen bile
höküm sürerdik. [9]Hudaý bizi, ýagny
resullary, dabaraly ýörişde iň soňky
hatarda goýaýdy öýdýän. Biz märe-
käniň göz alnynda öldüriljekler kimin
bolduk. Hawa, biz tutuş älem-jahana:
perişdelere-de, ynsanlara-da tomaşa
bolduk. [10]Biz Mesihe bolan imanymy-
zyň hatyrasyna akmakdyrys, siz bolsa
Mesihiň saýasynda paýhaslysyňyz! Biz
ejiz, siz bolsa güýçlüsiňiz! Siz at-abraý-
ly, biz bolsa biabraýdyrys! [11]Biz heniz
hem aç-suwsuz, eşiklerimiz sal-saldyr.
Biz ýenjilýäris, öýsüz-öwzarsyz sergez-
dandyrys. [12]Biz gara der döküp, zähmet
çekýäris. Bize garganlarynda, olara
ýagşylyk dileýäris. Bizi yzarlanlaryn-
da, muňa çydaýarys. [13]Bize myjabat
ýöňkänlerinde, mylaýymlyk bilen jo-
gap berýäris. Biz şu pursada çenli ýer
ýüzüniň çöp-çöri, dünýäniň zir-zibili
kimin bolandyrys. [14]Men bulary sizi
utandyrmak üçin däl-de, size nesihat
bolsun diýip ýazýaryn, sebäbi siz me-
niň eziz balalarym ahyryn! [15]Mesihiň
ýolunda siziň müňlerçe terbiýeçiňiz
bolsa-da, atalaryňyz azdyr. Men Hoş
Habar arkaly siziň Isa Mesihdäki ataňyz
boldum. [16]Şoňa görä-de, ýalbarýaryn:
meniň ýaly boluň. [17]Ine, Timoteosy şu
maksat bilen ýanyňyza iberdim. Ol me-
niň söýgüli oglum we Rebbiň sadyk
guludyr. Ol meniň Isa Mesihiň ýörelge-
sine eýerýändigimi size ýatladar. Men
ähli ýerde we her ýygnakda bu ýörel-
gä eýermegi öwredýändirin. [18]Siziň
käbirleriňiz men ýanyňyza barmaryn
öýdüp, tekepbirlige ýüz urdular. [19]Hudaý
ýol berse, men tizara size barjakdyryn.
Şonda olaryň gepini däl-de, güýjüni
göräýerin. [20]Çünki Hudaýyň Şalygy
sözde däl-de, güýçdedir. [21]Men size
näme bilen baraýyn? Gamçy bilenmi
ýa-da söýgi we ýumşaklyk bilenmi? Siz
bularyň haýsyny saýlaýarsyňyz?

## 5-nji bap

### *Azgynlyga ýol bermäň!*

[1]Siziň araňyzdaky azgynçylyk barada
gürrüň ýaýrady. Bular ýaly azgynly-
gy hatda butparazlar-da edýän däldir!
Siziň biriňiz öz öweý enesi bilen ýa-
typ-turýarmyşyn. [2]Siz bolsa öz-özüňize
buýsanýarsyňyz! Eýsem siz muňa derek
ýas tutup, şeýle iş edýäni araňyzdan
aýyrmaly dälmi? [3-4]Men ýanyňyzda
bolmasam-da, ruhda siziň bilendirin.
Men edil ýanyňyzda bolan ýaly, şeýle
iş edeniň üstünden Rebbimiz Isanyň
adyndan eýýäm öz hökümimi çykar-
dym. Siz bile ýygnananyňyzda men
hem ruhda siziň bilen bolaryn. Şonda
Isa Mesihiň güýji arkaly [5]şeýle iş eden
adamy şeýtana tabşyryň. Şonda onuň
günäli tebigaty weýran bolup, Rebbiň
geljek gününde ruhy halas bolup biler.
[6]Siziň buýsanmagyňyz ýerlikli däldir.
Eýsem siz ujypsyzja hamyrmaýanyň
bütin hamyry turşadýandygyny bil-
meýärsiňizmi? [7]Petirlik hamyr bolup
bileriňiz ýaly, köne hamyrmaýany aýryp
taşlaň. Aslynda şol petirlik hamyr sizsi-
ňiz! Çünki biziň Pesah janlymyz – Isa
Mesih eýýäm gurban edilendir. [8]Şoňa
görä, baýramy köne hamyrmaýa: gahar-
gazap we pislik bilen bellemäliň. Tersine,
ony petir hamyry: päk ýüreklilik we
hakykat bilen belläliň. [9]Men size azgyn
adamlar bilen gatnaşmaň diýip öň ýa-
zypdym. [10]Ýöne men şeýle ýazanymda

bu dünýäniň adamlaryny: azgynlary
ýa-da betnebisleri, kezzaplary ýa-da
butparazlary göz öňüne tutmandym.
Beýle bolsa, siz bu dünýäni bireýýäm
terk etmeli bolardyňyz. 11 Men size do-
gansyrap, heniz-de azgyn ýa-da betnebis,
butparaz ýa-da paýyş sögünýän, arakhor
ýa-da kezzap bolanlar bilen gatnaşmaň
diýip ýazýaryn. Şeýle adamlar bilen
hatda bir saçak başynda-da oturmaň.
12-13 Eýsem biz ýygnaga degişli bolma-
dyklaryň üstünden höküm çykarmalymy
näme? Olaryň üstünden Hudaý höküm
çykarar. Biz diňe ýygnaga degişli bolan-
laryň üstünden höküm çykarmaly. «Siz
öz araňyzdan pislik edýäni aýryp taşlaň».

## 6-njy bap

### *Imanlylaryň arasyndaky dawalar*

1 Siz imandaky doganyňyz bilen
dawalaşanyňyzda, näme üçin onuň
meselesine kazyýetde imansyzlaryň
öňünde garaýarsyňyz?! Eýsem siz mu-
ny Hudaýyň halkynyň öňünde çözmeli
dälmi? 2 Siz Hudaýyň halkynyň bu dünýä
kazylyk etjekdigini bilmeýärsiňizmi?
Eger siz dünýä kazylyk etjek bolsaňyz,
heý-de ownuk-uşak dawalary çözüp
bilmersiňizmi? 3 Eýsem siz biziň hatda
perişdelere-de kazylyk etjekdigimizi
bilmeýärsiňizmi? Gündelik durmuşyň
işleri barada gürrüň-de ýok! 4 Şeýle da-
walaryňyz bar bolsa, näme üçin olary
ýygnaga degişli bolmadyklaryň kazy-
lygyna tabşyrýarsyňyz? 5 Şeýle etmäge
utanmaýarsyňyzmy? Eýsem araňyzda
doganlaryň dawasyny çözüp biljek bir
dana-da ýokmy? 6 Tersine, dogan doga-
ny bilen kazyýetde dawalaşýar. Munuň
üstesine-de, olar muny imansyzlaryň
öňünde edýärler! 7 Aslynda biri-biriňiz
bilen kazyýetde dawalaşmagyň özi siziň
eýýäm ýeňlendigiňizi habar berýär. Eý-
sem haksyzlyga çydanyňyz gowy dälmi?
Talaňa çydanyňyz gowy dälmi? 8 Siz
bolsa adalatsyzlyk edýärsiňiz, aldaýar-
syňyz. Özem kimi? Öz doganlaryňyzy!
9 Eýsem siz ýamanlyk edýänleriň Hu-
daýyň Şalygyny miras almajakdygyny
bilmeýärsiňizmi? Öz-özüňizi aldamaň!
Ne azgynlar, ne-de butparazlar, ne zyna-
horlar, ne-de erkekbazlar, ne beçebazlar,
10 ne-de ogry-jümrüler, ne betnebisler,
ne-de arakhorlar, ne paýyş sögünýänler,
ne-de kezzaplar – şularyň biri-de Huda-
ýyň Şalygyny miras almaz. 11 Siziň-de
käbirleriňiz şolar ýalydyňyz. Ýöne siz
Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen Hu-
daýymyzyň Ruhy arkaly ýuwuldyňyz,
Hudaýyň mukaddes halky bolduňyz,
aklandyňyz.

### *Imanlylaryň arasyndaky jynsy azgynlyk*

12 Siz: «Men her zady etmäge hakym
bar» diýýärsiňiz. Hawa, ýöne her zat
siziň üçin bähbitli däldir. Men hem is-
län zadymy etmäge hakym bar diýip
bilýärin, ýöne hiç zat meniň üstümden
agalyk sürmeli däldir. 13 Siz: «Nahar ga-
ryn üçin, garyn-da nahar üçindir. Hudaý
olaryň ikisini hem ýok eder» diýip dogry
aýdýarsyňyz. Emma beden azgynçylyk
üçin däl-de, Rebbe hyzmat etmek üçin
berlendir. Reb hem bedenimiz barada
alada edýändir. 14 Hudaý Öz güýji arkaly
Reb Isany direltdi. Ol bizi hem direlder.
15 Eýsem siz öz bedeniňiziň Isa Mesihiň
bedeniniň agzasydygyny bilmeýärsiňiz-
mi? Indi Mesihiň agzasyny alyp, ony bir
loly bilen birikdireýinmi? Asla etmen!

**5:12-13** Kan 13:6; 17:7,12; 19:19; 21:21-22; 24:7.

[16]Eýsem siz özüni loly bilen birikdireniň
onuň bilen bir ten bolýandygyny bilme-
ýärsiňizmi? Çünki Töwratda: «Ikisi bir
ten bolýar» diýip ýazylgydyr. [17]Reb bilen
birigen hem ruhda Onuň bilen bir bolar.
[18]Azgynlykdan gaçyň. Adam her nähili
günä etse-de, ol onuň tenine galtaşýan
däldir. Emma azgynlyk edýän öz teni-
ne garşy günä edýändir. [19]Eýsem siz öz
bedeniňiziň Mukaddes Ruhuň ýaşaýan
ybadathanasydygyny bilmeýärsiňizmi?
Siz bu Ruhy Hudaýdan aldyňyz. Siz diňe
özüňiziňki dälsiňiz. [20]Siz baha, onda-
da uly baha satyn alnansyňyz. Şoňa
görä-de, öz bedeniňiz bilen [a] Hudaýy
şöhratlandyryň.

## 7-nji bap

### *Nika barada*

[1]Indi bolsa siziň maňa: «Erkegiň aýala
ýanaşmazlygy ýagşydyr» diýip ýazanla-
ryňyz barada aýtmakçy. [2]Azgynlyga ýol
bermezlik üçin, goý, her erkek öz aýaly,
her aýal-da öz äri bilen ýaşasyn. [3]Är öz
aýaly babatda, aýaly-da öz äri babatda
är-aýallyk borçlaryny berjaý etmelidirler.
[4]Aýalyň bedeni özüniň däl-de, äriniň yg-
tyýaryndadyr. Äri babatda hem şeýledir:
äriniň bedeni özüniň däl-de, aýalynyň
ygtyýaryndadyr. [5]Diňe Hudaýa doga
edýän wagtyňyz [b] bolaýmasa, başga
wagt biri-biriňizi är-aýallyk hukugyndan
mahrum etmäň. Bu hem özara ylalaşy-
ga görä diňe wagtlaýyn bolsun. Soňra
gaýtadan birigiň. Ýogsa özüňize erk
edip bilmeýänligiňizden peýdalanyp,
şeýtan sizi azdyraýmasyn. [6]Men bula-
ry buýruk däl-de, maslahat hökmünde
aýdýaryn. [7]Elbetde, her kimiň men ýaly
bolmagyny isleýärin. Ýöne her kimiň
Hudaýdan alan öz peşgeşi bardyr: biri-
niň peşgeşi beýledir, başganyň peşgeşi
eýledir. [8]Emma dul galan erkeklere we
aýallara şeýle diýýärin: olara men ýaly
öýlenmezlik ýagşydyr. [9]Emma özlerine
erk edip bilmeýän bolsalar, onda öýlen-
sinler. Çünki yşk heserine ýanandan,
öýlenmek ýagşydyr. [10]Nikadakylara
bolsa men däl-de, Reb buýurýandyr: aýal
öz ärinden aýrylmasyn. [11]Eger aýrylan
bolsa, başga äre barmasyn ýa-da öz
äri bilen ýaraşsyn. Är-de öz aýalyndan
aýrylmasyn. [12]Beýlekilere bolsa Reb
däl-de, men diýýärin: eger haýsydyr bir
doganyň iman etmedik aýaly bar bolsa,
ol aýal hem onuň bilen ýaşamaga razy
bolsa, onda bu dogan öz aýaly bilen
aýrylyşmasyn. [13]Eger aýalyň iman et-
medik äri bar bolsa, äri-de onuň bilen
ýaşamaga razy bolsa, bu aýal äri bilen
aýrylyşmasyn. [14]Çünki iman etmedik är
öz aýaly arkaly Hudaýa degişli bolýandyr.
Iman etmedik aýal-da öz iman edýän äri
arkaly Hudaýa degişlidir, ýogsa siziň
çagalaryňyz Hudaýyň halkyna degişli
bolmazdylar. Indi welin olar degişlidir.
[15-16]Hudaý bizi bilelikde parahat ýaşama-
ga çagyrandyr. Eý, aýal, belki, äriň sen
arkaly halas ediler. Eý, är, belki, aýalyň
sen arkaly halas ediler. Emma iman et-
medik ýanýoldaş aýrylyşjak bolsa, goý,

---

[a] **6:20** ***Öz bedeniňiz bilen*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Hudaýyňky bolan teniňiz we ruhuňyz bilen* diýip duş gelýär.

[b] **7:5** ***Hudaýa doga edýän wagtyňyz*** – käbir golýazmalarda *doga-dileg we agyz bekleme wagtyňyz.*

---

**6:16** Gçk 2:24.

aýrylyşsyn. Imanly är ýa-da aýal şeýle
ýagdaýlarda borçly däldir.
17 Ýöne her nähili bolsa-da, her kes
Rebbiň oňa belleýşi ýaly, Hudaý ony
haýsy halda çagyran bolsa, şoňa görä-de
ýaşasyn. Men muny hemme ýygnaklara
buýurýaryn. 18 Eger kimdir biri sünnet-
likä çagyrylan bolsa, goý, sünnetliligini
sünnetsizlige öwürjek bolup azara gal-
masyn. Eger kimdir biri sünnetsizkä
çagyrylan bolsa, sünnetlenjek bolmasyn.
19 Sünnetlilik-de, sünnetsizlik-de hiçdir.
Iň esasy zat Hudaýyň tabşyryklaryny
berjaý etmekdir. 20 Kim haýsy halda
çagyrylan bolsa, şonda-da galsyn. 21 Sen
gul wagtyň çagyryldyňmy? Goý, bu se-
ni biynjalyk etmesin. Ýöne azat bolup
bilýän bolsaň, pursady elden giderme.
22 Çünki gul wagty Reb tarapyndan çagy-
rylan kişi Onuň azat bendesidir. Şonuň
ýaly, azat wagty Reb tarapyndan çagy-
rylan kişi Mesihiň guludyr. 23 Siz uly
baha satyn alyndyňyz. Adamlaryň guly
bolmaň! 24 Eý, doganlar, her kes Hudaý
tarapyndan nähili halda çagyrylan bolsa,
goý, şol halda-da galsyn.

### *Adaglanma, öýlenme we öýlenmezlik barada*

25 Öýlenmedik ýaşlar babatda Rebden
alan buýrugym ýok. Ýöne Rebbiň mer-
hemeti arkaly ynamdar kişi hökmünde
maslahat berýärin. 26 Şu muşakgatly
döwürde her kesiň öňki halynda galany
ýagşydyr. 27 Eger eýýäm öýlenen bol-
saň, nikaňy bozma. Heniz öýlenmedik
bolsaň, onda gelinlik gözleme. 28 Ýöne
öýlenseň-de, bu günä däldir. Boý gyz
hem durmuşa çyksa günä däldir. Em-
ma durmuş guranlar bu durmuşda köp
kynçylyklara duçar bolarlar. Men sizi
şolardan goramak isleýärin. 29 Eý, do-
ganlar, men size şuny hem aýtmakçy:
bellenilen wagt juda golaýlandyr. Şo-
ňa görä-de, maşgalasy bolanlar edil
maşgalasy ýok adamlar ýaly bolsun.
30 Aglaýanlar aglamaýanlar ýaly, şat-
lanýanlar şatlanmaýanlar ýaly, emläk
edinýänler edil emlägi bolmadyklar
ýaly ýaşasyn. 31 Bu dünýäniň işlerine
meşgul kişiler-de öz wagtyny olara so-
wurmasyn. Çünki bu dünýä soňlanyp
barýandyr. 32 Men siziň hysyrdyly ala-
dalardan azat bolmagyňyzy isleýärin.
Öýlenmedik kişi Rebbiň göwnünden
turjak bolup, Rebbiň işlerini alada ed-
ýändir. 33 Emma öýlenen kişi öz aýalynyň
göwnünden turjak bolup, bu dünýäniň
işlerini alada edýändir. 34 Şeýdip, onuň
kalby ikä bölünendir. Ärsiz aýal ýa-da
durmuşa çykmadyk gyz Rebbiň işleri-
niň aladasyny edip, özüni jan-tenden
Rebbe bagyş edendir. Emma ärli aýal
öz äriniň göwnünden turjak bolup, bu
dünýäniň işlerini alada edýändir. 35 Men
bulary sizi çäklendirmek üçin aýtma-
ýaryn. Tersine, tutuş kalbyňyzy Rebbe
bagyş edip, dogry ýaşaryňyz ýaly, siziň
peýdaňyza aýdýaryn. 36 Eger ýigit heser
oduna çydaman, öz adaglanan gyzyna
bolmalysy ýaly garamasa we öýlenmek
kararyna gelse, goý, öýlenibersin, bu
günä däldir. 37 Emma ol öýlenmezli-
gi ýüregine düwen bolsa, bu babatda
mätäçligi bolman, özüne erk etmegi
başaryp, berk karara gelen bolsa, onda
ol gowy edýär. 38 Şunlukda, adaglysyna
öýlenýän gowy edýändir. Öýlenmeýän
bolsa ondan-da gowy edýändir. 39 Aýal
äri ölýänçä, oňa baglydyr. Äri ölse, öz
islänine barmaga ygtyýarlydyr. Ýöne
onuň barjagy Rebbe iman edýän bol-
malydyr. 40 Ol dul aýal dullugyna galsa,
has-da bagtyýardyr. Bu meniň pikirim.
Men bolsa özümde Hudaýyň Ruhy bar
diýip hasaplaýaryn.

## 8-nji bap

### *Butlara berilýän gurbanlyk*

[1]Indi bolsa butlara gurbanlyk beril-
ýän et barada şulary aýtmakçy. Siziň:
«Ählimiziň bilimimiz bar» diýip aýd-
ýanyňyz dogrudyr. Ýöne bilim ynsany
tekepbir edýär, söýgi bolsa oňa öwüt
berýändir. [2]Kim haýsydyr bir zady eý-
ýäm bilýändirin öýtse, onda ol heniz
bilmelisi ýaly bilýän däldir. [3]Emma
ynsan Hudaýy söýýän bolsa, ol eýýäm
Hudaý tarapyndan tanalýandyr. [4]Şun-
lukda, butlara gurbanlyk berlen eti
iýip-iýmezlik barada şuny aýtmakçy.
Siziň: «But aslynda hiçdir. Ýeke-täk
bir Hudaý bardyr» diýýäniňiz dogru-
dyr. [5]Hatda ýerde ýa gökde «hudaý»
diýlip atlandyrylýanlar bar bolaýsa-da
(aslynda «hudaýlar» hem «hökümdar»
saýylýanlar köpdür), [6]biziň üçin ýeke-täk
Hudaý bardyr, Ol biziň Atamyzdyr, ähli
zadyň gözbaşy-da Oldur. Biz Onuň üçin
ýaşaýandyrys. Biziň üçin ýeke-täk Hö-
kümdar bar, Ol Rebbimiz Isa Mesihdir,
hemme zat Ol arkaly ýaradylandyr. Biz
Ol arkaly ýaşaýandyrys. [7]Emma bu bilim
hemme adamlarda ýokdur. Käbir adam-
lar butparazlyk pikirlerinden saplanyp
bilmän, bu gurbanlyk etini iýenlerinde,
heniz-de buta sežde edýändir öýdýärler.
Bu hem olaryň ejiz ynsabyny murdar
edýär. [8]Ýöne iýmit bizi Hudaýa ýakyn-
laşdyrmaýar. Iýmänimiz bilen zyýan
çekemzok, iýenimiz bilen-de peýda
göremzok. [9]Öz azatlygyňyza seresaply
çemeleşiň. Siziň azatlygyňyz ynsaby ejiz
bolan doganlaryň büdremegine sebäp
bolmasyn! [10]Çünki olardan biri seni,
ýagny bilimi bolany, buthanada saçak
başynda görmegi ahmal. Şonda onuň
ynsaby ejizläp, buta berlen gurbanlygy
iýmäge ymtylmazmy? [11]Şunlukda, eý,
dogan, bu ynsaby ejiz dogan seniň bi-
limiň arkaly weýran edildi. Isa Mesih
bolsa onuň ugrunda öldi. [12]Siz öz do-
ganlaryňyzyň ejiz ynsabyny ýaralamak
bilen, olara garşy günä edeniňizde, Isa
Mesihe garşy günä edýänsiňiz. [13]Şo-
ňa görä-de, iýýän zadym doganymyň
büdremegine sebäp boljak bolsa, men
ony asla iýmerin. Men onuň büdreme-
gini islämok.

## 9-njy bap

### *Resulyň hak-hukuklary*

[1]Eýsem men azat dälmi näme? Ýa men
resul dälmi? Men Rebbimiz Isa Mesihi
öz gözüm bilen görmedimmi näme?
Eýsem siz meniň Reb üçin çeken zäh-
metimiň netijesi dälmi? [2]Başgalar meni
resul hasaplamasalar-da, men siziň üçin
resuldyryn! Çünki siz Reb ýolundaky
resullygymyň möhürisiňiz. [3]Resully-
gymyň hak-hukuklary babatda meni
tankytlaýanlara, ine, şuny diýmekçi.
[4]Eýsem biziň iýip-içmäge hakymyz
ýokmy? [5]Imanly bolsa, aýalymyzy ýa-
nymyz bilen äkitmäge hakymyz ýokmy?
Petrus [a] we beýleki resullar, Rebbimiz
Isanyň inileri hem hut şeýle edýär ahyry.
[6]Ýa-da men bilen Barnabyň imanlylar-
dan maddy kömegini almaga hakymyz
ýokmy? [7]Gullukdaky esgerler öz hasa-
byna ýaşaýarlarmy? Eýsem miwesinden
iýmejek bolsa, üzüm agajyny oturdýan
barmy? Süri bakyp-da, onuň süýdüni
içmeýän barmy? [8]Men muny diňe ynsan
nukdaýnazaryndan aýtmaýaryn. Ka-
nun hem bu babatda şeýle diýmeýärmi

[a] **9:5** ***Petrus*** – grekçe *Kepas*, bu Petrusyň beýleki ady.

näme? 9-10 Çünki Töwratda: «Harman
döwýän öküziň agzyny baglamaň» diýip
ýazylgydyr. Hudaý muny bütinleý biziň
üçin aýtmaýarmy? Eýsem Ol öküzleriň
aladasyny edýärmi? Hawa, bu biziň
üçin ýazylandyr. Çünki ýer sürýän-de,
döwek döwýän-de hasyldan paý almak
umydy bilen işleýändir. 11 Biz araňyzda
ruhy zatlary ekip, sizden maddy hasy-
ly orsak, muny juda köp görersiňizmi?
12 Eger başgalar sizden maddy kömegi
almaga hakly bolsa, onda biz olardan-da
köp haklydyrys!

Ýöne biz bu hakymyzdan peýdalanma-
dyk. Tersine, Mesihiň Hoş Habarynyň
ýaýramagyna päsgel bermejek bolup,
ähli zada çydaýarys. 13 Ybadathanada
hyzmat edýänler öz iýjegini ybadatha-
nadan alýarlar. Gurbanlyk sypasynda
hyzmat edýänler-de gurbanlyk sadaka-
laryndan paý alýarlar. Bulary özüňizem
bilýänsiňiz. 14 Reb Hoş Habary wagyz
edýänleriň-de Hoş Habardan eklenme-
gini buýrandyr.

15 Ýöne men bu hak-hukuklarymyň
birinden-de peýdalanan däldirin. Men
muny ýazmak bilen sizden hak-huku-
gymy talap etmekçi bolamok. Meniň
bu magtanmamy, goý, hiç kim puja
çykarmasyn. Şeýle bolanyndan, ölenim
gowudyr! 16 Men Hoş Habary wagyz
edýänim bilen magtanmaga haklydyryn
öýdemok: muny etmek borjumdyr. Eger
men Hoş Habary wagyz etmesem, waý,
meniň halyma! 17 Eger men muny özüm
saýlan bolsadym, onda sylaga tamakin
bolardym. Emma muny maňa Hudaý
buýurdy. 18 Onda sylagym nämedir? Hoş
Habary hiç bir muzdsuz wagyz edip,
onuň maňa berýän hak-hukugyndan
peýdalanmazlyk meniň üçin sylagdyr.

### *Pawlus her kesiň guludyr*

19 Men azat bolsam-da, her kesi ga-
zanjak bolup, hemmeleriň guly boldum.
20 Ýahudylary gazanjak bolup, olar üçin
ýahudy boldum. Men Mukaddes Ka-
nunyň guly bolmasam-da, Mukaddes
Kanuna görä ýaşaýanlary gazanjak bo-
lup, Mukaddes Kanunyň guly boldum.
21 Men Hudaýyň Kanunyny bilmeýänleri
gazanjak bolup, ony bilmediksirän
boldum. Hakykatda welin, Hudaýyň
Kanunyna görä ýaşap, Mesihiň buýruk-
laryna tabyndyryn. 22 Ejizleri gazanjak
bolup, ejize öwrüldim. Garaz, käbirleri
halas etjek bolup, men hemmelere her
zat boldum. 23 Men bularyň baryny Hoş
Habaryň ak patalaryna şärik bolup bi-
lerim ýaly, Hoş Habaryň hatyrasyna
edýärin. 24 Ýaryşa gatnaşýan ýüwrük-
leriň hemmesi ylgasa-da, baýragy diňe
biri alýandyr. Siz-de baýrak alar ýaly
şeýle ylgaň. 25 Ýaryşa gatnaşýan her kes
özerkliligi türgenleşdirýändir. Ol muny
wagtlaýyn bir täji almak üçin edýär. Biz
bolsa muny baky täji almak üçin edýän-
diris. 26 Şoňa görä-de, men maksatsyz
ylgaýanlar ýaly ylgamaýaryn, howany
ýumruklaýan kişi ýaly hereket etmeýä-
rin. 27 Ýok, men Hoş Habary başgalara
wagyz edenimden soň, ýaryşa gatnaş-
makdan mahrum edilesim gelmeýär.
Şonuň üçin-de, bedenimi türgenleşdirip,
ony özüme tabyn edýärin.

## 10-njy bap

### *Ysraýyl taryhyndan duýduryşlar*

1 Eý, doganlar, men siziň şulardan
habarly bolmagyňyzy isleýärin: biziň ata-
babalarymyzyň bary buludyň penasynda

**9:9-10** Kan 25:4.

gezdiler, olaryň bary deňizden geçdiler.
2 Olaryň bary buluda we deňze çümdüri-
lip, Musanyň şägirtleri boldular. 3 Olaryň
bary gökden inen şol bir iýmiti iýdiler.
4 Olaryň bary Hudaý tarapyndan berlen
şol bir suwdan içdiler. Çünki olaryň bary
bir ruhy gözbaşdan, özlerine hemralyk
eden Ruhy Gaýadan içdiler. Bu Gaýa
Mesihiň hut Özüdi. 5 Emma şonda-da
olaryň köpüsi Hudaýy närazy etdiler.
Şonuň üçin-de olaryň läşleri çölde serlip
galdy. 6 Biz hem ata-babalarymyz deý
ýüreklerimizi ýamanlyga ýykgyn etmez
ýaly, bularyň bary bize duýduryşdyr.
7 Olaryň käbirleri ýaly butparaz bolmaň.
Olar barada Töwratda şeýle ýazylgydyr:
«Adamlar iýip-içmäge oturdylar, soňra
turup, oýnaşmaga başladylar». 8 Olaryň
käbirleri ýaly azgynçylyk etmäliň: bir
günde olaryň ýigrimi üç müňüsi öldi.
9 Olaryň käbirleri ýaly Mesihi synamalyň:
olar ýylanlardan heläk boldular. 10 Olaryň
käbirleri ýaly hüňürdemäliň: olar Ölüm
perişdesiniň elinden öldi. 11 Bularyň bary
başgalara sapak bolsun diýip, ata-baba-
larymyzyň başyndan indi. Bu zamanyň
ahyrky günlerinde ýaşaýanlara, ýagny
bize duýduryş hökmünde ýazyldy. 12 Şun-
lukda, siz berk durandyrys diýip pikir
edýän-de bolsaňyz, günä etmez ýaly,
ägä boluň! 13 Başyňyzdan inen synaglar
başgalaryň-da başyndan inýändir. Em-
ma Hudaý sadykdyr! Ol siziň güýjüňiziň
çatmajak synagyny bermez. Siz synaga
düşeniňizde, Hudaý çykalga-da açar,
synagdan üstün gelmek üçin gujur-gaý-
rat-da berer.

### *Buthanalara barmaň!*

14 Şonuň üçin, eý, meniň ezizlerim,
butparazlykdan gaça duruň. 15 Men siziň
bilen paýhasly adamlar hökmünde gür-
leşýärin. Size aýdýanlarymdan özüňiz
netije çykaryň. 16 Eýsem biz şükür edip,
şükür käsesinden içenimizde, Mesihiň
ganyna şärik bolmaýarysmy? Çöregi
bölüp iýenimizde, Mesihiň bedenine
şärik bolmaýarysmy? 17 Çöregiň bir bolşy
ýaly, biz köp bolsak-da, bir bedendiris.
Çünki şol bir çöregi paýlaşýandyrys.

18 Ysraýyl halkyna serediň: gurbanlyk
sypasynda berlen gurbanlykdan iýýän
şol sypa şärik bolmaýarmy? 19 Muny
diýmek bilen, buta berlen gurbanly-
gyň ýa-da butuň özüniň haýsydyr bir
ähmiýeti bar diýjek bolýarynmy? 20 El-
betde, ýok! Men butparazlaryň berýän
gurbanlygyny Hudaýa däl-de, arwah-
jynlara berýändigini aýtjak bolýaryn.
Men siziň jynlara şärik bolmagyňyzy
islemeýärin. 21 Siz hem Rebbiň käsesin-
den, hem-de jynlaryň käsesinden içip
bilmersiňiz. Siz hem Rebbiň saçagyna,
hem-de arwah-jynlaryň saçagyna şärik
bolup bilmersiňiz. 22 Ýa-da biz Rebbiň
gabanjaňlygyny oýarmakçymy? Eýsem
biz Ondan güýçlümi näme?

### *Imanlylaryň azatlygy*

23 Siz: «Islendik zady etmäge hakym
bar» diýýärsiňiz, ýöne her zat siziň üçin
bähbitli däldir. «Islendik zady etmäge
hakym bar» diýýärsiňiz, ýöne hem-
me zat abatlaýan däldir. 24 Her kes öz
bähbidini däl-de, başgalaryň bähbidini
arasyn. 25 Et bazarynda satylýan her eti
iýip bilersiňiz. Anygyna ýetjek bolup,
ynsabyňyzy horlamaň. 26 Çünki «Ýer we
ondaky zatlar Rebbiňkidir». 27 Eger iman
etmedikleriň biri sizi nahara çagyrsa,
siz-de gitmek isleseňiz, öňüňizde goý-
lan zatlary arkaýyn iýiberiň. Anygyna

**10:7** Msr 32:6. **10:26** Zeb 23:1.

ýetjek bolup, ynsabyňyzy horlamaň.
28 Emma kimdir biri size: «Bu butlara
gurbanlyk berlen etdir» diýse, bu et
barada duýduran adamyň we ynsabyň
hatyrasyna ony iýmäň. [a] 29 Men siziň
ynsabyňyz däl-de, şol adamyň ynsaby
barada aýdýaryn.

Näme üçin başganyň ynsaby meniň
erkinligime kazylyk edýär? 30 Eger men
nahar iýmezden öň Hudaýa şükür edip,
nahara goşulýan bolsam, onda näme
üçin şükür edýän naharym üçin ýaz-
garylýarkam? 31 Şunlukda, iýseňiz-de,
içseňiz-de, her näme etseňiz-de – bula-
ryň baryny Hudaýyň şöhraty üçin ediň.
32 Ýahudylaryň-da, grekleriň-de, Huda-
ýyň ýygnagynyň-da, garaz, hiç kimiň
büdremegine sebäp bolmaň. 33 Çünki
men öz bähbidimi araman, köpleriň
halas bolmagy üçin olaryň bähbidini
araýaryn, her zatda her kesi razy etmäge
dyrjaşýaryn.

### 11-nji bap

1 Meniň Mesihden görelde alşym ýaly,
siz-de menden görelde alyň.

### *Edepli ybadat*

2 Meni elmydama ýatlaýandygyňyz,
taglymaty size tabşyryşym ýaly sakla-
ýandygyňyz üçin sizi öwýärin. 3 Emma
şuňa hem aýdyň düşünmegiňizi isleýä-
rin: her erkegiň başy Mesihdir, aýalyň
başy erkekdir, Mesihiň başy bolsa Hu-
daýdyr. 4 Başyny örtüp, doga-dileg ýa-da
pygamberlik edýän erkek kişi öz başyny
biabraý edýändir. 5 Başyny örtmän do-
ga-dileg ýa-da pygamberlik edýän aýal
öz başyny biabraý edýändir. Ol başy
syrylan aýal bilen des-deňdir. 6 Hawa,
eger aýal başyny örtmeýän bolsa, onda,
goý, saçyny-da kesdirsin. Ýöne aýalyň
saçyny kesmegi ýa-da syrdyrmagy biab-
raýçylykdyr. Şoňa görä, goý, ol başyny
örtsün. 7 Erkek başyny örtmeli däldir.
Çünki ol Hudaýyň keşbidir, Onuň şöh-
ratydyr. Aýal bolsa erkegiň şöhratydyr.
8 Çünki ilkibaşdan erkek aýaldan däl-de,
aýal erkekden ýaradylandyr; 9 erkek aýal
üçin däl-de, aýal erkek üçin ýaradylan-
dyr. 10 Eger aýal erkegiň şöhraty bolýan
bolsa, onda ol perişdeleriň hatyrasyna
başyny örtüp-örtmezligi, goý, özi çöz-
sün. 11 Ýöne her nähili bolsa-da, Rebbiň
halkynyň arasynda aýal erkege, erkek-de
aýala garaşlydyr. 12 Çünki aýal erkek-
den ýaradylan bolsa-da, erkek aýaldan
dogulýandyr. Hemmesini hem Hudaý
ýaradandyr. 13 Özüňiz pikir edip görüň:
aýal başyny örtmän Hudaýa doga etse
gelşiklimidir? 14 Erkek saçyny ösdürse
biabraýçylykdygyny tebigatyň özi size
öwretmeýärmi näme? 15 Aýal üçin bolsa
uzyn saç abraýdyr. Uzyn saç oňa baş-
örtgüsi hökmünde berlendir. 16 Eger bu
mesele babatda jedel etmekçi bolýan
kişi bar bolsa, şuny diýýärin: biziň we
Hudaýyň ýygnaklarynda aýallaryň baş
örtmegi adatdyr.

### *Rebbiň saçagyny harlamaň!*

*(Matta 26:26-29; Mark 14:22-25;*
*Luka 22:14-20)*

17 Indi bolsa şu görkezmeleri bermek
bilen birlikde, özümiň makullamaýan
zadym barada aýtmakçy: siziň ýygna-
nyşyklaryňyzyň peýdasyndan zyýany
köpdür. 18 Birinjiden, Hudaýyň ýygna-
gy hökmünde üýşeniňizde, araňyzda
agzalalyklaryň bolýandygy baradaky
gürrüňler meniň gulagyma degýär. Men
muňa az-kem ynanman-da duramok.

---

[a] **10:28** Käbir golýazmalarda *Çünki Ýer we ondaky zatlar Rebbiňkidir* diýen jümle hem bar.

[19]Sebäbi arañyzda agzalalyklar bolmaly
zatdyr. Olar siziň Hudaýyň synagyndan
geçip-geçmeýändigiňizi äşgär edýär.
[20]Siz bir ýere üýşeniňizde, Rebbiň sa-
çagyna gatnaşýarsyňyz diýip hasap
edýärsiňiz. Aslynda welin bu beýle
däl. [21]Sebäbi nahar iýeniňizde, getiren
naharyňyzy başgalar bilen paýlaşman,
özüňiz iýýärsiňiz. Şeýdip, biri aç galýar,
başga biri bolsa eýýäm serhoş. [22]Eýsem
iýip-içmek üçin öz öýüňiz ýokmy? Ýa-
da siz Hudaýyň ýygnagyny äsgermän,
garyplary kemsitmek isleýäňizmi? Men
muňa näme diýeýin? Şeýle edýäniňiz
üçin sizi taryplaýynmy? Elbetde, ýok!
[23]Çünki men Rebden alan taglyma-
tymy size tabşyrdym. Reb Isa Özüne
haýynlyk edilen gijesi eline çörek alyp,
[24]şükür etdi. Soňra çöregi bölüp: «Bu
siz üçin berilýän bedenimdir.[a] Muny
Meni ýatlamak üçin berjaý ediň» diý-
di. [25]Şunuň ýaly, nahardan soň şeraply
käsäni alyp: «Bu şerap Meniň ganym
arkaly baglanyşylýan täze ähtdir. Ondan
her gezek içeniňizde, muny Meni ýat-
lamak üçin berjaý ediň» diýdi. [26]Şoňa
görä-de, siz her gezek bu çöregi iýe-
niňizde, bu käseden içeniňizde, Reb
dolanyp gelýänçä, Onuň ölümini yglan
edýärsiňiz. [27]Şunlukda, kimde-kim my-
nasyp bolmadyk tärde bu çörekden iýse
ýa-da Rebbiň käsesinden içse, Onuň
bedeni we gany babatda ýazykly bolar.
[28]Şonuň üçin-de, her kes diňe özüni sy-
nap görensoň, bu çörekden iýmeli, bu
käseden içmeli. [29]Kimde-kim Rebbiň
bedenini äsgermän iýip-içse, öz-özüni
Hudaýyň hökümine duçar edýändir.
[30]Ine, şu sebäpden arañyzda ejizler we
syrkawlar köp, ölenleriňiz hem az däldir.
[31]Biz ilki özümizi synap gören bolsadyk,
onda hököme uçramazdyk. [32]Reb bizi
terbiýelemek üçin höküm edýändir. Ol
muny biziň dünýä bilen birlikde höküm
edilmezimiz üçin edýär. [33]Şunlukda, eý,
doganlar, Rebbiň saçagy üçin üýşeniňiz-
de, biri-biriňize garaşyň. [34]Eger kimdir
biri aç bolsa, goý, öz öýünde naharlan-
syn. Şonda ol ýygnakda höküm edilmez.
Galan zatlary bolsa baranymda çözerin.

## 12-nji bap

### *Ruhy peşgeşler*

[1]Indi bolsa, eý, doganlar, men si-
ziň Ruhuň peşgeşleri babatda habarly
bolmagyňyzy isleýärin. [2]Ýadyňyzdamy,
siz butparazkaňyz, dilsiz-agyzsyz but-
laryň täsirine düşüp, olara eýerýärdiňiz.
[3]Şoňa görä-de, şuňa aýdyň düşünmegiňi-
zi isleýärin: Hudaýyň Ruhundan ylham
alýan ynsan: «Isa Mesihe nälet bolsun!»
diýmez. Mukaddes Ruh ynandyrmasa,
ynsan: «Isa Rebdir!» diýip bilmez.
[4]Mukaddes Ruhuň berýän peşgeşleri
dürlüdir, ýöne olaryň bary şol bir Ruh-
dandyr. [5]Hyzmatlar dürli-dürlüdir, ýöne
olaryň bary şol bir Reb üçindir. [6]Amallar
dürli-dürlüdir, ýöne her kesde ähli zady
edýän şol bir Hudaýdyr.
[7]Her kesde Mukaddes Ruhuň aýan
bolmagy hemmeleriň bähbidi üçindir.
[8]Mukaddes Ruh kimdir birine danalyk
bilen, ýene birine bilim bilen öwret-
mek peşgeşini berýär. [9]Başga birine
Mukaddes Ruh iman baýlygyny, ýene
birine şypa berme peşgeşlerini berýär.
[10]Ol birine gudrat görkezme, başgasyna
pygamberlik, ýene birine ruhlary saý-
garma, başga birine nämälim diller, ýene
birine bu dilleri manylandyrma peşgeşini
berýär. [11]Bularyň baryny ýeke-täk bir

[a] **11:24** Käbir golýazmalarda *Ony alyň, iýiň* diýen sözler hem bar.

Mukaddes Ruh edýändir. Ol her kese
Öz isleýşine görä berýändir.
12 Beden bir bolsa-da, agzalary köpdür.
Agzalary köp bolsa-da, olar bütewi bir
teni emele getirýärler. Mesih babatda
hem şeýledir. 13 Çünki biz kim bolsak-da:
ýahudymy, grekmi, gulmy, erkinmi – ta-
pawudy ýok, barymyz bir beden bolmak
üçin, bir Mukaddes Ruha çümdürildik.
Biziň barymyz bir Mukaddes Ruhy ka-
bul etdik.
14 Beden bir agzadan ybarat däldir.
Onuň agzasy köpdür. 15 Aýak: «Men el
däl, men bu bedene degişli däl» diýe-
ni bilen beden agzasy bolmagyny bes
edýärmi näme? 16 Gulak hem «Men göz
däl, men bedene degişli däl» diýse-de,
beden agzalygyna galýandyr. 17 Eger
bütin beden göz bolan bolsa, onda ol
nädip eşiderdi? Eger bütin beden gulak
bolan bolsa, onda ol nädip ys alardy?
18 Emma Hudaý hemme agzalary bir
bedende ýerleşdirip, olaryň hersini Öz
halaýşyna görä goýdy. 19 Eger agzalaryň
bary haýsydyr bir agza bolan bolsa, onda
beden nirede bolardy? 20 Aslynda agzalar
köp, beden bolsa birdir.
21 Göz ele: «Sen maňa gerek däl!» di-
ýip bilmeýär. Kelle hem aýaklara: «Siz
maňa gerek däl!» diýip bilmeýär. 22 Ter-
sine, bedeniň ejiz saýylýan agzalary has
gereklidir. 23 Hormatsyzrak saýylýan
agzalara welin aýratyn hormat goýýa-
rys. Gelşiksiz saýylýan agzalarymyz
barada aýratyn alada edýäris. 24 Bede-
niň gelşikli agzalary bolsa şeýle alada
mätäç däldir. Hudaý beden agzalaryny
birikdirende, onuň ähmiýetsiz saýylýan
agzalaryna has köp ähmiýet berdi. 25 Ol
muny bedende hiç bölünişik bolman,
agzalar biri-biri barada deň derejede
alada etsinler diýip etdi. 26 Eger bir agza
horluk çekse, beýleki agzalar hem horluk
çekerler. Eger bir agza hormatlanylsa,
ähli agzalar muňa şatlanar.
27 Siziň ähliňiz Isa Mesihiň bedenisiňiz,
her biriňiz bedeniniň bir agzasysyňyz.
28 Hudaý ýygnaga ilki bilen resullary,
soňra pygamberleri, üçünji edip öwredi-
jileri belledi. Soňra gudrat görkezýänleri
we şypa berýänleri, ýardam berýänleri
we dolandyrýanlary, soňra nämälim
dillerde gürleýänleri belledi. 29 Eýsem
hemmeler resulmydyr? Hemmeler
pygambermidir? Hemmeler taglym
öwredijimidir? Hemmeler gudrat gör-
kezýänmidir? 30 Şypa berme peşgeşi
hemmelerde barmy? Hemmeler nämälim
dillerde gürleýärmi? Hemmeler bu dil-
lerde aýdylanlary düşündirip bilýärmi?
31 Ýöne siz has ulurak peşgeşleri almaga
ymtylyň.

Indi bolsa size iň gowy ýoly salgy
bereýin.

## 13-nji bap

### *Söýgi*

1 Ynsanlaryň we perişdeleriň dillerin-
de gürläp-de, söýgim bolmasa, güňleç
seslenýän misdirin ýa-da jyňňyrdaýan
kimwaldyryn. 2 Eger pygamberlik peşge-
şim bolup-da, ähli syrlary we ylymlary
bilip-de, daglary süýşürjek güýçli ima-
nym bolup-da, söýgim bolmasa, men
hiçdirin. 3 Eger men tutuş emlägimi
garyp-gasarlara paýlap-da, magtanyp
bilerim ýaly tenimi gurban edip-de [a],
söýgim bolmasa, bularyň maňa hiç
peýdasy ýokdur. 4 Söýgi sabyrlydyr,

[a] **13:3** ***Magtanyp bilerim ýaly tenimi gurban edip-de*** – bu jümle käbir golýazmalarda *tenimi ýakmaga berip-de* diýip duş gelýär.

mähirlidir. Söýgi bahyllyk edýän däldir,
özüni beýgeldýän däldir. Söýgi gop-
bamsyramaýar, [5]biabraýlyk etmeýär.
Söýgi öz bähbidini aramaýar, gaharlan-
maýar, öýke-kine saklamaýar. [6]Söýgi
ýamanlyga şatlanmaýar, ol hakykata
şatlanýandyr. [7]Söýgi hemme zady bagyş-
laýandyr, elmydama ynanýandyr. Söýgi
hiç haçan umytdan düşýän däldir, hem-
me zada çydaýandyr. [8]Pygamberlikler
tamamlanar, diller ýiter, bilim gutarar,
söýgi bolsa asla tükenmez. [9]Çünki biz
häzir bölekleýin bilýäris, bölekleýin py-
gamberlik edýäris. [10]Kämillik gelende,
bölekleýin zatlar tamamlanar. [11]Men
çagakam, çaga ýaly gürleýärdim, çaga
ýaly oýlanýardym, çaga ýaly pikir ýöred-
ýärdim. Emma ulalyp kemala gelenimde,
çagalyk ýörelgelerini taşladym. [12]Şindi
ähli zady öçügsi aýnadan gören ýaly
görýäris. Emma soňra ähli zady ýüz-
be-ýüz göreris. Men şindi bölekleýin
bilýärin, ýöne şonda Hudaýyň meni
bilşi ýaly doly bilerin. [13]Häzir şu üçüsi
galýar: iman, umyt we söýgi. Bularyň
iň ulusy bolsa söýgüdir.

## 14-nji bap

### *Pygamberlik we nämälim diller barada*

[1]Söýginiň ýörelgesine eýeriň. Ruhy
peşgeşleri almaga, aýratyn-da pygam-
berlik etmäge ymtylyň. [2]Nämälim dilde
gürleýän adam adamlar bilen däl-de,
Hudaý bilen gürleşýändir. Çünki onuň
Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp aýd-
ýan syrlaryna hiç kim düşünýän däldir.
[3]Pygamberlik edýän bolsa adamlara ýüz-
lenip, olara öwüt-nesihat berýär, goldaýar,
teselli berýär. [4]Nämälim dilde gürleýän
öz-özüne öwüt berýändir, pygamberlik
edýän bolsa ýygnaga öwüt berýändir.
[5]Siziň ähliňiz nämälim dillerde gürle-
seňiz, elbetde, gowy, ýöne pygamberlik
etmäge ymtylyň. Nämälim dilde gürle-
ýän adam ýygnaga öwüt-ündew bermek
üçin öz aýdanlaryny manylandyrmasa,
onda pygamberlik edýän ondan has go-
wudyr. [6]Eý, doganlar, men ýanyňyza
baryp, nämälim dillerde gürlesem, ýö-
ne aýanlyk, bilim, pygamberlik, ýa-da
taglymat öwretmesem, meniň size peý-
dam degermi? [7]Mysal hökmünde jansyz
saz gurallaryny: tüýdügi ýa-da arfany
alyp göreliň. Eger olar tapawutly äheňde
çalynmasa, haýsy mukamyň çalynýan-
dygyny nädip saýgarjak? [8]Ýene-de bir
mysal: eger surnaýyň çagyryş sesi aýdyň
bolmasa, urşa taýynlanjak barmy? [9]Siz
babatda hem şeýledir. Eger-de siz dil ar-
kaly aýdýanlaryňyz aýdyň bolmasa, size
kim düşüner? Bu diňe howaýy gürrüň
eden ýalydyr. [10]Dünýäde örän köp diller
bar. Olaryň her biriniň manysynyň bar-
dygy gürrüňsizdir! [11]Emma men kimdir
biriniň aýdýanlaryna düşünmesem, men
onuň üçin keseki ýurtludyryn. Ol hem
meniň üçin keseki ýurtludyr. [12]Şonuň
üçin-de, ruhy zatlara şeýle ymtylýan
bolsaňyz, ýygnagy berkidýän peşgeşleri
almaga dyrjaşyň.

[13]Nämälim dillerde gürleýän adam ony
manylandyryp bilmegi üçin-de doga-di-
leg etmelidir. [14]Çünki men nämälim dilde
doga-dileg edýän bolsam, muny diňe ru-
hum edýändir. Akylym muňa gatnaşýan
däldir. [15]Näme etmeli? Men ruhum bilen
doga-dileg etsem, muny aňymda-da etjek.
Men ruhum bilen nagma aýtsam, muny
aňymda-da aýtjak. [16]Eger sen Hudaýy öz
kalbyňda şöhratlandyrsaň, seniň aýdýan
zatlaryňa düşünmeýän adam şükürleriňe
nädip «omyn» diýsin? Ol seniň aýdýan-
laryňa düşünmeýär ahyryn. [17]Belki, sen
oňat şükür edýänsiň, ýöne başga biri bu

arkaly öwüt alýan däldir. [18]Hudaýa şükür,
men nämälim dillerde hemmäňizden köp
gürleýärin. [19]Ýöne ýygnakda beýlekile-
re-de öwüt-ündew berer ýaly, düşnükli
bäş söz aýdanymy gowy görýärin. Bu nä-
mälim dillerde aýdylan müňlerçe sözden
gowudyr. [20]Eý, doganlar, çagalar ýaly
pikir ýöretmegiňizi bes ediň. Ýamanlyk
babatda çaga ýaly boluň, ýöne akyl babat-
da kämil ýaşly boluň. [21]Çünki Mukaddes
Ýazgylarda şeýle ýazylgydyr:

«Men bu halka
ýat dillerde gürleýänler arkaly,
keseki halklaryň dili arkaly
sözlärin.
Emma şonda-da olar Meni
diňlemezler – diýýär Reb».

[22]Şunlukda, nämälim diller iman eden-
ler üçin däl-de, iman etmedikler üçin
alamatdyr. Pygamberlik bolsa iman et-
medikler üçin däl-de, iman edenler üçin
alamatdyr. [23]Eger bütin ýygnak bir ýere
ýygnanyp, heriňiz nämälim dilde gürläp
durkaňyz, oňa düşünmeýän ýa-da iman
etmedik adamlar munuň üstüne gelse,
näme oýlarlar? Olar: «Siz akylyňyz-
dan azaşypsyňyz» diýmezmi? [24]Emma
iman etmedik ýa-da düşünmeýäniň biri
pygamberlik aýdylyp durka gelse, ol
hemmeler tarapyndan paş edilip, höküm
edilýändigini eşider. [25]Şonda onuň ýürek
syrlary aýan bolar-da, ýüzin ýykylar.
«Hudaý, dogrudan-da, siziň araňyzda
eken!» diýip, Oňa sežde eder.

### *Tertipli ybadat*

[26]Eý, doganlar, mundan nähili netije
çykarsa bolar? Siz bir ýere üýşeniňizde,
her biriňizde nagma, öwüt sözi, aýanlyk,
nämälim dillerde gürlemek ýa-da ony
manylandyrmak bardyr. Goý, bularyň
bary ýygnagy berkitmek üçin ulanylsyn.
[27]Eger araňyzda nämälim dillerde gür-
leýän bar bolsa, goý, ikisi ýa-da üçüsi
gezek-gezegine gürlesin; ýene biri ma-
nylandyrsyn. [28]Emma manylandyryp
bilýän bolmasa, onda nämälim dilde
gürleýän dymsyn. Goý, ol özüne we
Hudaýa gürrüň bersin. [29]Pygamberleriň
bolsa ikisi ýa-da üçüsi gürlesin. Beýle-
kiler bolsa olaryň aýdanlaryny saldarlap
görsünler. [30]Emma diňläp oturanlardan
birine Hudaýdan aýanlyk gelse, onda
gürläp duran dymsyn. [31]Çünki hemmeler
öwüt alar ýaly, hemmeler ruhlanar ýaly,
baryňyz gezek-gezegine pygamberlik
edip bilersiňiz. [32]Pygamberlik sözlerini
alan adam olary haçan aýtmalydygy-
ny özi kesgitlemelidir. [33]Çünki Hudaý
bidüzgünçiligiň däl-de, parahatlygyň
Hudaýydyr.

Hudaýyň halkynyň ýygnaklarynyň
ählisinde bolşy ýaly, [34]aýallar ýygnak-
da gürlemesin. Olara gürlemäge rugsat
berilýän däldir. Töwratda aýdylyşy ýaly,
olar tabyn bolmalydyr. [35]Eger olar haý-
sydyr bir zat barada bilmekçi bolsalar,
goý, öýde ärlerinden sorasynlar. Aýala
ýygnakda gürlemek aýyp ahyryn.

[36]Hudaýyň sözi sizden çykandyr öýd-
ýärsiňizmi? Ýa-da ol diňe size baryp
ýetdimi? [37]Eger kimdir biri özüni py-
gamber ýa-da Mukaddes Ruhdan dolan
diýip saýýan bolsa, şuňa düşünmelidir:
meniň ýazýanlarym Hudaýyň buýrugy-
dyr. [38]Emma ol muny äsgermese, goý,
onuň özi-de äsgerilmesin. [39]Şunluk-
da, eý, doganlar, pygamberlik etmäge
jan-tenden yhlas ediň, ýöne nämälim
dillerde gürlemegi-de gadagan etmäň.
[40]Emma hemme zat mynasyp tärde we
tertip bilen bolsun.

**14:21** Işa 28:11-12.

## 15-nji bap

### *Direliş baradaky Hoş Habar*

1Indi bolsa, eý, doganlar, size wa-
gyz eden Hoş Habarymy ýatladyp
geçmekçi. Siz ony kabul edip, onda
berk dursuňyz. 2Size wagyz eden Hoş
Habarymy gaýym tutsaňyz, ol arkaly
halas bolarsyňyz. Tutmasaňyz, biderek
ýere iman etdigiňiz bolar. 3Çünki men
kabul edenimi örän wajyp habar hök-
münde size-de gowşurdym. Bu habar,
ine, şundan ybarat: Mukaddes Ýazgylara
görä, Mesih biziň günälerimiz üçin
öldi. 4Ol jaýlanyp, Mukaddes Ýazgy-
lara görä hem üçülenji gün diýlende
direldi. 5Onsoň Isa Mesih Petrusa[a],
soň Onkilere göründi. 6Mundan soň Ol
şol bir wagtyň özünde bäş ýüzden-de
gowrak dogana göründi. Bu doganla-
ryň käbiri eýýäm aradan çykdy, ýöne
aglaba bölegi häzir hem diri. 7Soňra
Ol Ýakuba göründi, soň resullaryň
ählisine göründi. 8Iň soňunda bolsa
maňa, ýagny şeýle derejä asla myna-
syp bolmadyga göründi. 9Çünki men
resullaryň arasynda iň kiçisidirin. Men
hatda resul adyny almaga-da myna-
syp däl, sebäbi Hudaýyň ýygnagyna
azar beripdim. 10Emma men nähili
bolsam-da, diňe Hudaýyň merheme-
ti arkaly şeýle boldum. Onuň maňa
eden merhemeti puja çykmady: men
hemmelerden-de köp zähmet çekdim.
Aslynda muny men däl-de, maňa ýar
bolan Hudaýyň merhemeti etdi. 11Şun-
lukda, isle men bolaýyn, isle-de beýleki
resullar bolsun – tapawudy ýok: biz
bu Hoş Habary wagyz edýäris, siz-de
oňa ynandyňyz.

### *Merhumlaryň direlmegi*

12Biz Mesih direldi diýip wagyz ed-
ýäris. Onda siziň araňyzdan käbirleri
nädip merhumlar direlmez diýip bilýär?
13Eger merhumlar direlmeýän bolsa,
onda Mesih hem direlen däldir. 14Eger
Mesih direlmedik bolsa, onda biziň
wagzymyz-da, siziň imanyňyz-da bi-
derekdir. 15Munuň üstesine-de, biziň
Hudaý barada ýalan şaýatlyk etdigimiz
bolýar. Sebäbi biz Hudaý Isa Mesihi
direltdi diýip şaýatlyk edýäris ahyryn.
Eger merhumlar direlmeýän bolsa, onda
Hudaý Isa Mesihi-de direlden däldir.
16Hawa, merhumlar direlmeýän bolsa,
onda Isa Mesih-de direlen däldir. 17Eger
Isa Mesih direlmedik bolsa, onda si-
ziň iman getirmegiňiz hem puçdur: siz
öňkiňiz ýaly günäleriňiziň içindesiňiz.
18Diýmek, Isa Mesihde imanly bolup
aradan çykanlar hem heläk bolandyr.
19Eger biz diňe bu durmuşda Isa Mesihe
umyt baglaýan bolsak, ähli ynsanlaryň
iň betbagtydyrys.

20Ýöne Isa Mesih hakykatdan-da il-
kinji bolup ölümden direldi. Bu beýleki
merhumlaryň hem direljekdigini ke-
pillendirýär. 21Çünki ölümiň bu dünýä
adam arkaly gelşi ýaly, ölümden dire-
liş-de adam arkaly gelýändir. 22Adam
atanyň nesilleriniň ählisi ölýär. Şunuň
ýaly, Isa Mesihe degişli bolanlaryň-da
ählisi ýaşaýşa gowşar. 23Ýöne her kes
öz gezeginde direler. Isa Mesih ilkinji
bolup direldi. Mesih gelende, Oňa de-
gişli bolanlar-da direler. 24Isa Mesih ähli
agalyklary, ygtyýarlyklary we güýçleri
ýok edip, Şalygy Ata Hudaýa tabşyran-
da bolsa dünýäniň soňy bolar. 25Çünki
Hudaý Isa Mesihiň ähli duşmanlaryny

---

[a] **15:5** ***Petrus*** – grekçe *Kepas,* bu Petrusyň beýleki ady.

Onuň aýak astyna salýança, Mesih şalyk
sürmelidir. 26 Ýok edilmeli duşmanla-
ryň iň soňkusy hem ölümdir. 27 Çünki
Hudaý «ähli zady Onuň aýagynyň as-
tynda goýdy». Hawa, Hudaý ähli zady
Mesihiň aýak astynda goýdy. Ýöne «ähli
zady» diýlende, munuň Hudaýa degişli
däldigi mese-mälimdir. 28 Hudaý ähli
zady Ogluna tabyn edenden soň, Ogul
hem Özüni ähli zady Onuň aýak astyna
goýan Hudaýa tabyn eder. Bu Hudaýyň
ähli zatda doly höküm sürmegi üçindir.
29 Eger direliş ýok bolsa, merhumlara
derek suwa çümdürilenler näme ederkä?
Eger merhumlar hiç haçan direlmejek
bolsa, adamlar näme üçin olara derek
suwa çümdürilýärkä? 30 Biz hem näme
üçin özümizi sagatsaýyn howp astyna
salýarkak? 31 Rebbimiz Isa Mesihiň hu-
zurynda size bolan buýsanjymdan ant
içýärin: men her gün ölüm bilen ýüzbe-
ýüz bolýaryn. 32 Eger-de meniň delillerim
diňe ynsan delilleri bolan bolsa, men
heý-de Efesdäki wagşy haýwanlar bilen
göreşermidim? Mundan näme peýda
gazanardym? Eger merhumlar direl-
meýän bolsalar, «geliň, iýeliň, içeliň,
ertir biz öleris!» 33 Aldanmaň! Ýaramaz
ýaranlar ýagşy häsiýetlini hem azdyr-
ýandyr. 34 Akylyňyza aýlanyň, günä
etmegi bes ediň. Siziň araňyzda Hudaýy
tanamaýanlar hem bar. Men muny sizi
utandyrmak üçin aýdýaryn.

### *Direlen ten*

35 Ýöne kimdir biriniň: «Merhumlar
nädip direler? Olar gaýdyp gelenle-
rinde bedenleri nähili bolarka?» diýip
soramagy mümkin. 36 Nähili nadanlyk!
Seniň eken tohumyň ölmese, ýaşaýşa
gowuşmaz. 37 Sen ekeniňde gögerjek
ösümligi tutuşlygyna ekmeýärsiň. Sen
ýöne tohum, mysal üçin bugdaý ýa-da
başga bir ösümligiň tohumyny ekýärsiň.
38 Hudaý bolsa bu tohuma Öz bellän
görnüşini berýär. Her tohumyň-da
öz görnüşi bolýandyr. 39 Bedenleriň
hemmesi birmeňzeş däldir. Ynsanyň
öz bedeni, haýwanlaryň öz bedeni,
guşlaryň öz bedeni, balyklaryň-da öz
bedeni bolýar. 40 Şeýle-de, göklere ýa
ýere degişli zatlar-da bardyr. Göklere
degişli zatlaryň öz görki, ýere degişli
zatlaryň-da öz görki bardyr. 41 Günüň
öz görki, aýyň öz görki bardyr, ýyldyz-
laryň-da öz görki bardyr. Bir ýyldyzyň
görki beýleki ýyldyzyňkydan tapawut-
lydyr. 42 Merhumlaryň direlişi-de şuňa
meňzeýändir. Çüýreýän beden jaýlanyp,
çüýremejek beden direlýär. 43 Abraýsyz-
lykda jaýlanyp, şan-şöhratda direlýär.
Ejizlikde jaýlanyp, güýç-kuwwatda di-
relýär. 44 Pany bedende jaýlanyp, baky
bedende direlýär. Pany beden bar bolsa,
baky beden hem bolýandyr. 45 Çünki
Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylgydyr:
«Ilkinji adam – Adam ata janly barlyk
boldy». Soňky Adam bolsa ýaşaýyş
berýän Ruh boldy. 46 Baky beden pany
bedenden öň bolup bilmeýär. Tersine,
ilki pany beden bolýar, soňra bolsa ba-
ky beden bolýar. 47 Ilkinji ynsan ýeriň
topragyndandy, ikinji Ynsan bolsa [a]
Göklerdendi. 48 Toprakdan ýaradylan
ilkinji ynsan nähili bolsa, ýerdäki ynsan-
lar hem şeýledir. Göklerden inen Ynsan
nähili bolsa, göklere degişli ynsanlar
hem şeýledir. 49 Biz toprakdan ýaradylan

[a] **15:47** ***Ikinji Ynsan bolsa*** – käbir golýazmalarda *ikinji Ynsan, Rebbimiz Isa bolsa.*

**15:27** Zeb 8:7. **15:32** Işa 22:13. **15:45** Gçk 2:7.

ynsana nähili meňzän bolsak, göklerden
Bolana hem şeýle meňzäris. [50]Şoňa gö-
rä-de, eý, doganlar, men size aýtmakçy:
et bilen gandan bolan ýerdäki ynsan
Hudaýyň Şalygyny miras alyp bilýän
däldir. Çüýreýän beden çüýremeýän be-
dene şärik bolup bilýän däldir. [51]Gulak
goýuň, size bir syry aýan edeýin: biz
ölmeris, ýöne hemmämiz özgerdileris.
[52]Bu iň soňky surnaý çalnanda göz-
açyp ýumasy salymda, bir pursatda
amala aşar. Surnaý çalnar, merhumlar
çüýremezek halda direldiler, biz hem
özgerdileris. [53]Çünki çüýreýän beden
çüýremezlik donuna, ölýän ten ölmez-
lik donuna beslenmelidir. [54]Şunlukda,
çüýreýän ten çüýremezlige, ölýän ten
ölmezlige beslenende, «Ýeňiş ölümi
ýuwutdy» diýlen sözler berjaý bolar.
[55]«Eý, ölüm, hany seniň ýeňşiň[a]? Eý,
ölüm, hany seniň zäherli neşderiň[b]?»
[56]Günä – bu ölümiň zäherli neşderidir.
Kanun bolsa günäniň güýç-kuwwatydyr.
[57]Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol
Rebbimiz Isa Mesih arkaly bize ýeňiş
berdi. [58]Şoňa görä-de, eý, eziz dogan-
larym, berk duruň. Goý, sizi asla hiç
zat sarsdyrmasyn. Rebbiň işine yhlasly
ýapyşyň. Çünki Reb ugrunda çeken
zähmetiňiziň biderek däldigini özü-
ňiz-de bilýänsiňiz.

## 16-njy bap

### *Imanlylar üçin pul kömegini ýygnamak baradaky öwütler*

[1]Indi bolsa Hudaýyň ýygnaklaryna
maddy pul kömegini bermek barada
aýtmakçy. Galatýadaky ýygnaklara
tabşyranlarymy siz hem berjaý ediň.
[2]Men ýanyňyza baranymda ýygnama
zerurlygy bolmaz ýaly, heriňiz her
hepdäniň birinji güni öz ýagdaýyna
görä belli mukdarda pul süýşürip, ýa-
nynda saklasyn. [3]Baranymda bolsa,
siziň kömegiňizi Iýerusalime aşyrjak
adamlary özüňiz saýlarsyňyz. Men ola-
ry iberenimde, tanatma hatlaryny hem
ýanlaryna goşaryn. [4]Eger Iýerusalime
meniň gitmegim makul bilinse, olar
maňa ýoldaş bolarlar.

### *Pawlusyň arzuw-islegleri*

[5]Men ýanyňyza Makedoniýada bo-
lanymdan soň bararyn. Sebäbi men
Makedoniýanyň üsti bilen geçmekçi.
[6]Belki, men ýanyňyzda biraz galaryn,
hatda gyşy şol ýerde geçirmegim-de
ahmal. Soňra siz meni gitjek ýerime ug-
radyp bilersiňiz. [7]Häzir bolsa sizi ýöne
ýol ugruna görüp geçesim gelenok. Gaý-
tam, Hudaý ýol berse, ýanyňyzda köpräk
bolmagy umyt edýärin. [8]Men Ellinji gün
baýramyna çenli Efes şäherinde gala-
ryn, [9]sebäbi maňa köp adamlaryň garşy
çykýandygyna garamazdan, bu ýerde uly
we netijeli işler üçin uly mümkinçilikler
döredi. [10]Eger ýanyňyza Timoteos barsa,
onuň araňyzda hiç zatdan gorkman gezip
bileri ýaly alada ediň. Ol hem men ýaly
Rebbiň işini edýär. [11]Şoňa görä-de, hiç
kim Timoteosa äsgermezçilik etmesin.
Ol meniň ýanyma dolanar ýaly, ony
sag-aman ýola salyň. Men Timoteo-
syň doganlar bilen gaýdyp gelmegine
garaşýaryn. [12]Indi bolsa doganymyz

---

[a] **15:55** ***Ýeňşiň*** – käbir golýazmalarda *zäherli neşderiň.*
[b] **15:55** ***Zäherli neşderiň*** – käbir golýazmalarda *ýeňşiň.*

---

**15:54** Işa 25:8. **15:55** Hoş 13:14.

Apollo barada: men oňa doganlar bilen
bilelikde siziň ýanyňyza gitmegi üçin
köp ýalbardym. Ýöne onuň edil şu pursat
gitmäge meýli ýok. Ol ýanyňyza amatly
wagt tapanda barar.

### *Soňky öwütler we salamlar*

13 Hüşgär boluň, imanda berk duruň,
mert boluň, gaýratly boluň. 14 Ähli za-
dy söýgi bilen ediň. 15 Eý, doganlar, siz
Stepanasyň öý-içersini tanaýarsyňyz.
Olaryň Ahaýada ilkinjileriň hatarynda
Isa Mesihe iman edendiklerini, Hudaýyň
halkyna jan-tenden hyzmat edýändik-
lerini hem bilýänsiňiz. Şoňa görä-de,
sizden şuny haýyş etmekçi: 16 siz hem
şeýle adamlara, olar bilen işläp zäh-
met çekýänleriň her birine gulak asyň.
17 Men Stepanas, Fortunat we Ahaýyk
dagy gelende, örän begendim. Olar si-
ziň ýoklugyňyzy bildirmeýärler. 18 Olar
siziň köňlüňize aram berişleri ýaly, me-
niň köňlüme-de aram berýärler. Şeýle
adamlaryň gadyryny biliň. 19 Aziýa
welaýatyndaky ýygnaklar size doga-
ýy salam iberýärler. Akila, Priskilla
we olaryň öýündäki ýygnak hem size
Rebde dogaýy salam iberýärler. 20 Do-
ganlaryň ählisi hem size dogaýy salam
iberýärler. Biri-biriňizi mähirli ogşap
salamlaşyň. 21 Men – Pawlusdan size
salam bolsun. Men muny öz elim bilen
ýazdym. 22 Kimde-kim Rebbi söýmeýän
bolsa, goý, oňa nälet bolsun. Ýa Rebbi-
miz, gelsene! 23 Goý, Rebbimiz Isanyň
merhemeti size ýar bolsun! 24 Men siziň
baryňyzy Isa Mesihiň söýgüsi bilen
söýýärin! Omyn.

# Pawlusyň korintoslylara ikinji haty

## Giriş

*Pawlusyň korintoslylara ikinji haty* joşgunly we şahsy äheňde ýazylan hatdyr. Korintoslylara birinji haty ýaly, ol hem Gresiýanyň Korintos şäherindäki imanlylar ýygnagyna ýazylandyr. Bu hatyň käbir parçalary dürli wagtda we dürli ýerlerde ýazylyp, soňra bir ýere jemlenen bolmagy mümkin. Onuň mowzugynyň we äheňiniň birdenkä üýtgemegi hem hut şu ýagdaý bilen düşündirilýär.

Hatyň aglaba böleginiň korintoslylara ýazylan birinji hatdan soň ýazylandygy mese-mälimdir. Onuň ýazylan döwründe Korintosdaky imanlylar ýygnagy bilen Pawlusyň özara gatnaşyklary galp resullar zerarly bozulypdy. Olar Pawlusyň resul diýip atlandyrylmaga haky ýok diýip, birtopar şübhelenmeleri dörediýärdiler. Ýagdaýyň şeýle dartgynly bolandygyna garamazdan, korintoslylara ýazylan ikinji hatda Pawlusyň çuň taglymaty beýan edilýär. Bu taglymat özüňi ynjadanlary bagyşlamagy, ejizlikde güýçli bolmagy, sahylyk bilen bermegi ündeýär, Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly her bir ynsana elýeter bolan täze ýaşaýyş barada taglym berýär.

***Mazmuny***


Salamlar we şükür dilegleri ............ *1:1-11*
Pawlus öz garşydaşlary bilen ýaraşmak isleýär ............ *1:12–7:16*
Pawlus korintoslylary sahylyk bilen bermäge höweslendirýär ....... *8:1–9:15*
Pawlus özüniň Isa Mesihiň hakyky resulydygyny subut edýär... *10:1–12:21*
Soňky duýduryşlar we salamlar ............ *13:1-13*


---

### 1-nji bap

1Hudaýyň yradasy bilen Isa Mesihiň
resuly bolan men Pawlusdan we doganymyz Timoteosdan Hudaýyň Korintosdaky
ýygnagyna, şeýle-de tutuş Ahaýa welaýatyndaky Hudaýyň halkynyň baryna
dogaýy salam! 2Atamyz Hudaýyň we
Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti we parahatlygy, goý, size ýar bolsun!

***Teselli berýän Hudaý***

3Ähli teselliileriň gözbaşy bolan
merhemetli Ata Hudaýa, Rebbimiz
Isa Mesihiň Hudaýyna we Atasyna
alkyş bolsun! 4Hudaý ähli muşakgatlarymyzda bize teselli berýär. Biz hem
öz gezegimizde her hili muşakgatlara
uçran adamlara Hudaýdan alan tesellimiz arkaly teselli berýäris. 5Çünki Isa

Mesihiň görgüleriniň durmuşymyzda
artdygysaýy, Ol arkaly Hudaýdan al-
ýan tesellimiz-de artýandyr. 6 Eger biz
görgüler görýän bolsak, bu siziň teselli
tapmagyňyz we halas bolmagyňyz üçin-
dir. Hudaý bize teselli berýän bolsa, bu
siziň-de size teselli bermegimiz üçindir.
Siz hem biz ýaly görgüler göreniňizde,
şu tesellimizden teselli tapyp, muşak-
gatlaryň baryna döz gelersiňiz. 7 Size
baglaýan umydymyz berkdir, sebäbi
siziň diňe muşakgatlarymyza däl, eýsem
tesellimize-de şärikdigiňizi bilýäris. [a]
8 Eý, doganlar! Biziň Aziýa welaýatyn-
da başymyza inen külpetlerden siziň-de
habarly bolmagyňyzy isleýäris. Bu kül-
petler çekip-çydardan juda agyrdy, biz
diri galarys-da öýtmedik. 9 Hawa, ajal
biziň ýakamyzdan tutandyr öýtdük. Bu
ýagdaý biziň özümize däl-de, diňe Hu-
daýa, merhumlary direldýän Hudaýa
bil baglamagymyz üçin ýüze çykypdy.
10-11 Hudaý bizi ajalyň penjesinden halas
etdi we ýene-de halas eder. Biziň üçin
edýän doga-dilegleriňiz arkaly Onuň
bizi ýene-de halas etjekdigine umyt bag-
laýarys. Şonda köpleriň doga-dilegine
jogap hökmünde bize berlen merhemet
üçin köp adamlar Hudaýa şükür ederler.

### *Pawlus niýetini üýtgedýär*

12 Ine, biz şuňa buýsanýarys: biz her
kes, ylaýta-da siz babatda Hudaýyň
beren göwnaçyklygy we päk ýürekliligi
bilen hereket edýäris. Biz muny ynsan
danalygyna däl-de, Hudaýyň merhe-
metine daýanyp edýäris. Muňa biziň
ynsabymyz-da şaýatdyr. 13-14 Biziň size
ýazanlarymyzda okap düşünmez ýaly
gümürtik zat ýok. Siz bize häzir bölek-
leýin düşünýärsiňiz, ýöne soňra doly
düşünersiňiz diýen umydym bar. Onsoň
Rebbimiz Isa Mesihiň geljek gününde
biziň size buýsanyşymyz ýaly, siz-de
bize buýsanyp bilersiňiz. 15 Bu babatda
ynamym bolansoň, ýanyňyza iki gezek
baryp, şatlygyňyzy artdyrmakçydym.
16 Soňra Makedoniýa gidip, ondan soň
ýene size dolanmakçydym. Ol ýerden
Ýahudyýa ýurduna meni ýola salarsyňyz
diýen niýetim bardy. 17 Eýsem men öz
niýetlänlerimde durnuksyzlyk etdimmi?
Ýa-da bulary niýetlänimde bu dünýäniň
adamlary ýaly ikigöwünli bolup, ilki
«hawa, hawa», soňra-da «ýok, ýok» diý-
ýärinmi? 18 Hudaý ynamdardyr. Ol biziň
aýdanlarymyzyň şol bir wagtyň özünde
hem «hawa», hem-de «ýok» däldigine
şaýatdyr. 19 Men, Silwan [b] we Timoteos
dagy araňyzda Hudaýyň Ogly [ç] Isa Me-
sih barada wagyz etdik. Biziň wagyz
eden Isa Mesihimiz hem «hawa», hem
«ýok» diýen däldir. Hudaý Isa Mesih
arkaly «hawa» diýýändir. 20 Çünki Huda-
ýyň beren wadalarynyň ählisi Isa Mesih
arkaly «hawadyr». Hudaýy şöhratlan-
dyryp aýdýan «omyn» sözümiz-de Isa
Mesih arkalydyr. 21 Hudaý bizi siz bilen

---

[a] **1:7** Käbir golýazmalarda 6-njy we 7-nji aýatlar şeýle görnüşde gelýär: *Eger biz görgüler görýän bolsak, bu siziň teselli tapmagyňyz we halas bolmagyňyz üçindir. Şeýdip siz biziň ýaly görgüler göreniňizde, muşakgatlaryň baryna döz gelersiňiz. Size baglaýan umydymyz berkdir. Teselli tapýan bolsak, bu siziň teselli tapmagyňyz we halas bolmagyňyz üçindir, sebäbi siziň diňe muşakgatlarymyza däl, eýsem tesellimize-de şärikdigiňizi bilýäris.*

[b] **1:19** ***Silwan*** – bu Silasyň beýleki ady.

[ç] **1:19** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

birlikde Isa Mesihe baglap, imanda berk
durmagymyza ýardam berýär. Ol bizi
seçip-saýlady-da, 22 möhürläp, bularyň
kepili hökmünde ýüregimize Mukaddes
Ruhuny berdi.
23 Men sizi gynandyrmaýyn diýip,
Korintosa dolanyp barmadym. Munuň
hakykatdygyna Hudaý-da şaýatdyr.
24 Biz siziň imanyňyzyň üstünden höküm
sürmekçi bolamzok, tersine, şatlygyňy-
zyň hatyrasyna siz bilen hyzmatdaşlyk
edýäris. Çünki siz imanda berk dursuňyz.

## 2-nji bap

1 Şunlukda, men ýene gamlanmaýyn
diýip, ýanyňyza barmazlygy ýüregime
düwdüm. 2 Eger men sizi gamlandyrýan
bolsam, meni kim şatlandyrsyn? Meniň
gamlandyranlarymmy?! 3 Şoňa görä-de,
baranymda meni şatlandyrmaly adamlar
göwnümi gamlandyrmasyn diýip, şol
haty ýazdym. Meniň şatlygyma siziň-
de şatlanjakdygyňyza berk ynanýaryn.
4 Men şol haty paralanan ýürekden mu-
şakgat içinde ýazypdym. Ýöne meniň
niýetim sizi gynandyrmak däl-de, size
bolan çäksiz söýgimi görkezmekdi.

### *Pawlus korintoslylara günäkärleri bagyşlamagy ündeýär*

5 Meni gamlandyran adam diňe me-
ni däl-de, ulaltmaýyn welin, belli bir
derejede hemmäňizi gamlandyrandyr.
6 Köpçüligiň ony ýazgarmagy onuň üçin
ýeterlik jezadyr. 7 Ol bütinleý gam laýyna
batmaz ýaly, indi ony bagyşlamalysyňyz,
teselli bermelisiňiz. 8 Haýyş edýärin:
ony dogrudan-da söýýändigiňizi tas-
syklaň. 9 Şoňa görä-de, men şol haty
sizi synamak we her bir zatda tabyn
bolup-bolmaýanlygyňyzy bilmek üçin
ýazdym. 10 Siziň bagyşlan kişiňizi men
hem bagyşlaýaryn, sebäbi men hem
birini bir zatda bagyşlan bolsam, bagyş-
lanymy siziň hatyraňyz üçin Mesihiň
huzurynda bagyşladym. 11 Men muny
şeýtan bizden üstün çykmasyn diýip
etdim. Onuň kezzaplygy bize mälim
ahyryn.

### *Pawlus öz hyzmatyny goraýar*

12 Men Mesihiň Hoş Habaryny wagyz
etmäge Troas şäherine baranymda, maňa
Reb tarapyndan bir gapy açyldy. 13 Muňa
garamazdan, köňlüm rahat däldi, sebäbi
men ol ýerde doganym Titusy tapma-
dym. Şonuň üçin-de, olar bilen hoşlaşyp,
Makedoniýa ugradym. 14 Ýöne Hudaýa
müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly
ýörişine bizi elmydama şärik edýär. Hu-
daý Özi baradaky bilimi biz arkaly ähli
ýere müşk-anbar kimin ýaýýar. 15 Çünki
biz gutulyş ýolundan barýanlaryň-da,
heläkçilik ýolundan barýanlaryň-da
arasynda Hudaý üçin Mesihiň müşki-
anbarydyrys. 16 Biz heläkçilik ýolundan
barýanlar üçin ölüm ysy bolsak, gutulyş
ýolundan barýanlar üçin ýaşaýyş müş-
ki-anbarydyrys. Beýle işiň hötdesinden
geljek asla ýokdur! 17 Biz gara nebislerine
çapýan adamlar kimin Hudaýyň Hoş
Habaryny ýoýmaýarys. Tersine, Hudaý
tarapyndan iberilen we Mesihe hyzmat
edýän kişiler ýaly Hudaýyň huzurynda
päk ýürekden wagyz edýäris.

## 3-nji bap

1 Eýsem biz sizi özümiz bilen gaýtadan
tanyş etmelimi? Näme, biz käbirleri
ýaly size ýa-da sizden bolan tanatma
hatlaryna mätäçmi? 2 Ýok! Biziň ta-
natma hatymyz sizsiňiz! Bu hat biziň
ýüreklerimize ýazylandyr. Ol hemme-
lere mälimdir, ony hemmeler okap-da
bilýär. 3 Mesihiň haty sizsiňiz. Bu mese-
mälim zat. Bu hatymyz hyzmatymyzyň

netijesidir. Biz ony syýa bilen däl-de, diri
Hudaýyň Ruhunyň güýji arkaly ýazdyk.
Ol ýasy daş böleklerine däl-de, ynsan
ýüregine ýazylandyr. 4 Bu babatda Mesih
arkaly Hudaýyň huzurynda biziň şeýle
ynamymyz bardyr. 5 Bu işi öz-özümizden
başarýarys diýip aýtmaga hiç esasymyz
ýokdur. Bu başarnygy bize Hudaý berýär.
6 Ol bize täze ähtiň hyzmatçylary bolmak
ukybyny berdi. Bu äht ýazylan Kanun
arkaly däl-de, Mukaddes Ruh arkaly
berkidilendir. Çünki ýazylan Kanun
ölüme höküm edýär, Mukaddes Ruh
bolsa ýaşaýyş berýär.

### *Täze ähtiň şöhraty*

7 Hawa, daş böleklerine oýulyp ýa-
zylan Kanun ölüme höküm edýärdi.
Emma muňa garamazdan, Hudaýyň
şöhraty Musanyň ýüzüne çaýylypdy.
Bu nur öçügsi bolsa-da, ysraýyl halky-
nyň gözüni gamaşdyrypdy. Eger ölüme
höküm edýän hyzmatyň şöhraty şeýle
bolsa, 8 onda Hudaýa Mukaddes Ruh
arkaly hyzmat etmekligiň şöhraty on-
dan parlak dälmidir?! 9 Eger adamlary
höküm edýän hyzmat şöhratly bolan
bolsa, onda adamlary Hudaýyň nazaryn-
da aklaýan hyzmatyň şöhraty ondan-da
beýikdir. 10 Çünki hemme zatdan beýik
bolan şöhrat orta çykandan soň, ozalky
şöhrat hiç bolup galdy. 11 Eger wagtla-
ýyn hyzmat şeýle şöhratly bolsa, onda
müdimilik hyzmat ondan gör-bak nä-
çe şöhratlydyr! 12 Biz şeýle umydymyz
bolany üçin batyrgaýlyk bilen hereket
edýäris. 13 Biz Musa ýaly däldiris. Ol
ysraýyl halky öçügsilenýän şöhratyň
soňuny görmesin diýip ýüzüni basyrýar-
dy. 14 Ýöne olaryň akyly küteldi, sebäbi
köne äht olara okalyp berlende, bu perde
heniz-de ýüzlerini basyrýandyr. Bu ýüz
perdesi diňe Isa Mesihe iman edilen-
de aýrylýar. 15 Musanyň kitaby hatda
biziň günlerimizde okalanda-da, bu
perde olaryň ýüregini basyrýar. 16 Ýöne
Rebbe tarap öwrülenlerinde, bu perde
syrylýar. 17 Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy
nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir.
18 Biz hem ýüzümizi basyrman, Rebbiň
şöhratynyň ýalkymyny görýäris. Rebbiň
Ruhy ählimizi gitdigisaýy nurlandyryp,
bizi Öz keşbine özgerdýär.

## 4-nji bap

### *Hoş Habary wagyz etmekde ruhdan düşmeýäris*

1 Hudaý merhemet edip, bize bu hyz-
maty ynandy. Şonuň üçin-de, ruhdan
düşmeýäris. 2 Biz aýyply bolany üçin
gizlinlikde edilýän işleri ret etdik.
Kezzaplyk etmeýäris, Hudaýyň Hoş
Habaryny ýoýmaýarys. Tersine, ha-
kykaty aç-açan yglan edip, Hudaýyň
huzurynda hemmeleriň öňünde jogap
bermäge taýyndyrys. 3 Eger biziň wa-
gyz edýän Hoş Habarymyz perdelenen
bolsa, ol heläkçilik ýolundan barýanlar
üçin perdelidir. 4 Bu dünýäniň höküm-
dary şeýtan iman etmedikleriň aňyny
baglady. Şonuň üçin-de olar Hudaýyň
keşbi bolan Isa Mesihiň şöhratynyň
Hoş Habarynyň nuruny görüp bilme-
ýärler. 5 Biz özümiz barada däl-de, Isa
Mesihiň Rebdigi barada wagyz edýäris.
Özümizi bolsa Isanyň hatyrasyna siziň
gullaryňyz diýip hasaplaýarys. 6 Çünki
«Tümlükde nur parlasyn» diýen Hudaý
biziň-de ýüreklerimizi ýagtylandyryp,
Isa Mesihiň ýüzünde parlaýan Öz şöh-
ratyny bize tanatdy.

**4:6** Gçk 1:3; Işa 9:2.

7 Biz hazynalary özünde saklaýan to-
ýun küýzeler kimindiris. Şonuň üçin-de,
bu ajaýyp gudratyň bizden däl-de, Hu-
daýdandygy äşgärdir. 8 Biz her tarapdan
gysylýarys, ýöne owranmaýarys; biz
çykgynsyz ýagdaýa düşýäris, ýöne ruh-
dan düşmeýäris; 9 yzarlanýarys, ýöne
terk edilmeýäris; urulýarys, ýöne öl-
dürilmeýäris. 10 Isa Mesihiň ýaşaýşy
bedenimizde aýan bolsun diýip, Onuň
ölümini elmydama bedenimizde gö-
terýäris. 11 Biziň pany bedenimizde Isa
Mesihiň ýaşaýşy aýan bolsun diýip, bizi,
ýagny dirileri elmydama Onuň hatyrasy-
na ölüme tabşyrýarlar. 12 Siziň ýaşaýyş
tapmagyňyz üçin, biz ölüm bilen ýüz-
be-ýüz bolmaga-da taýyndyrys.

13 Zeburda: «Iman etdim, şonuň üçin
gürledim» diýip ýazylgydyr. Şol imanyň
ruhy arkaly biz-de iman edýäris, şonuň
üçin-de gürleýäris. 14 Biz Reb Isany ölüm-
den direlden Hudaýyň bizi hem Isa bilen
bilelikde direldip, siz bilen birlikde Öz hu-
zurynda goýjakdygyny bilýäris. 15 Bularyň
bary siziň üçin edilýär. Şeýdip Hudaýyň
merhemeti köpden-köp adamlara ýetip,
olaryň şükürlerini artdyrar we Hudaýyň
şöhratyny has-da beýgelder. 16 Şoňa görä-
de, biz ruhdan düşmeýäris. Biziň daşky
barlygymyz könelse-de, içki barlygymyz
günsaýyn täzelenýändir. 17 Çünki ýeňil we
wagtlaýyn muşakgatlarymyz bize juda
ajaýyp, beýik we baky şöhrat gazandy-
rar. Şonda bu muşakgatlar edil bolmadyk
ýaly bolar. 18 Biz nazarymyzy görünýän
zatlara däl-de, görünmeýän zatlara dik-
ýäris. Sebäbi görünýän zatlar wagtlaýyn,
görünmeýän zatlar bolsa bakydyr.

## 5-nji bap

### *Gökdäki mesgenimiz*

1 Biziň şindi ýaşaýan pany çadyrymyz,
ýagny bedenimiz her haçan weýran bolsa-
da, gökde el bilen ýasalmadyk, Hudaýyň
taýynlan baky mesgenimiziň bardygyny
bilýäris. 2 Biz ölmän, şol gökdäki mesge-
nimize şu wagt beslenmegi küýsäp, ah
çekýäris. 3 Ýöne gökdäki mesgenimi-
ze beslenmänkäk pany çadyrymyzdan
dynmaly bolaýsak-da, asla ýalaňaç bol-
majakdygymyza gözümiz ýetýär. [a]
4 Emma häzirlikçe bu pany çadyrymyzda
bolup, hasrat çekýäris, görgi görýäris, se-
bäbi bu pany çadyrymyzdan dynasymyz
gelenok. Tersine, Hudaýyň taýynlan mes-
genine beslenip, baky ýaşaýşa ölmänkäk
gowuşmagy küýseýäris. 5 Çünki Hudaý
bizi baky ýaşaýşa gowuşmagymyz üçin
ýaradyp, munuň kepili hökmünde bize
Mukaddes Ruhuny berdi. 6 Şonuň üçin-
de, bedenimizde ýaşaýan wagtymyzda
Rebbiň ýanyndaky mesgenimizden uzak-
dadygymyzy bilsek-de, arkaýyndyrys.
7 Çünki biz görýän zatlarymyza görä
däl-de, imana görä ýaşaýarys. 8 Hawa, bü-
tinleý arkaýyndyrys. Biz Rebbiň ýanynda
mesgen tutup bilerimiz ýaly, bedenden
aýrylanymyzy gowy görýäris. 9 Emma
pany bedende ýaşasak-da, baky mesgene
beslensek-de, Hudaýyň göwnünden tur-
magy maksat edinýäris. 10 Çünki ýagşy
bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, beden-
dekäk eden işlerimize laýyk paýymyzy
almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň hö-
küm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys.

[a] **5:3** Käbir golýazmalarda 3-nji aýat şeýle görnüşde gelýär: *Biz gökdäki mesgenimize beslensek, asla ýalaňaç bolmajakdygymyza gözümiz ýetýär.*

**4:13** Zeb 115:1-2.

### *Hudaý bilen ýaraşyň!*

[11]Biz Hudaýdan gorkmagyň näme-
digini bilenimiz üçin, başgalary hem
toba etmelidigi barasynda ynandyrjak
bolýarys. Biziň nähilidigimiz Huda-
ýa äşgärdir. Bu siziň ynsabyňyza hem
äşgärdir diýen umydym bar. [12]Biz ýe-
ne-de öňüňizde öwünmekçi bolamzok.
Ýöne päk ýürekleri bilen däl-de, daşky
görnüşi bilen öwünýänlere jogap berip,
biz babatda öwnüp bilmegiňiz üçin size
tutaryk berýäris. [13]Biz akyldan azaşan
kimin görnen bolsak, bu Hudaýy şöhrat-
landyrmak üçindir; eger akylly görnen
bolan bolsak, bu siziň üçindir. [14]Eger
bir Adam hemmeler üçin ölen bolsa,
onda hemmämiz ölendiris. Şeýle pikire
gelelimiz bäri Isa Mesihiň söýgüsi bizi
hereket etmäge höweslendirýär. [15]Hawa,
Isa Mesih hemmeleriň ugrunda öldi. Ol
muny ýaşaýanlar indi özleri üçin däl-de,
olaryň ugrunda ölen we direlen Me-
sih üçin ýaşasynlar diýip etdi. [16]Şonuň
üçin-de, biz indi hiç kime ynsan nuk-
daýnazaryndan garamaýarys. Eger Isa
Mesihe hem ozal şu nukdaýnazardan
garan bolsak, mundan beýläk garamarys.
[17]Şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli
bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi ge-
çip gitdi, indi täzesi geldi! [18]Bularyň
bary Hudaýdandyr. Ol Isa Mesih arkaly
bizi Özi bilen ýaraşdyryp, bize ýaraş-
dyrma hyzmatyny tabşyrdy. [19]Hawa,
Hudaý ynsanlaryň günälerini hasaba
alman, Isa Mesih arkaly dünýäni Özi
bilen ýaraşdyrdy. Ýaraşdyrma baradaky
habaryny bolsa bize tabşyrdy. [20]Şoňa
görä-de, biz Isa Mesihiň ilçileridiris.
Hudaý biz arkaly ýüzlenýär. Biz size
Mesihiň hatyrasyna ýalbarýarys: Hudaý
bilen ýaraşyň! [21]Biz Isa Mesih arkaly
Hudaýyň dogrulygy bolarymyz ýaly, Ol
biziň günälerimizi asla günä etmedik
Isa Mesihiň üstüne ýükledi.

## 6-njy bap

[1]Biz Hudaýyň işdeşleri hökmünde size
ýalbarýarys: Ondan alan merhemetiňizi
harlamaň. [2]Çünki Hudaý şeýle diýýär:
«Merhemet görkezjek döwrümde
seni eşitdim,
gutulyş gününde Men kömek
etdim».
Ine, indi merhemet günüdir, indi gu-
tulyş günüdir!
[3]Biz hyzmatymyz abraýdan düşmesin
diýip, hiç kimiň büdremegine sebäp
bolamzok. [4]Tersine, ähli zatda özümizi
Hudaýyň hakyky hyzmatçylary hök-
münde äşgär edýäris. Biz muşakgatlara,
mätäçliklere, çykgynsyz ýagdaýlara,
[5]urlup-ýenjilmelere, tussag edilmelere,
pitnelere, agyr zähmete, ukusyz gijele-
re, aç-suwsuzlyga sabyr-takatlyk bilen
çydaýarys. [6]Biz muny päklik, bilim,
tutanýerlilik, rehim-şepagat, Mukad-
des Ruhuň barlygy, çyn söýgi, [7]hakykat
habary, Hudaýyň güýji arkaly subut
edýäris. Dogrulyk – biziň ýaragymyz.
Biz ony hem sag, hem-de sol elimizde
göterýäris. [8]Adamlar bizi sylasalar-da,
kemsitseler-de, myjabat ýapsalar-da,
öwseler-de – biz barybir Hudaýa hyzmat
edýäris. Olar bizi ýalançy saýýarlar, ýöne
biz hakykaty sözleýändiris. [9]Biz tanal-
sak-da, ret edilýäris; ajal ýakamyzdan
tutsa-da, diridiris; jezalandyrylsak-da,
öldürilen däldiris; [10]ynjatsalar-da, elmy-
dama şatdyrys; garyp bolsak-da, köpleri
baýadýandyrys; hiç zadymyz bolmasa-
da, ähli zada eýediris. [11]Eý, korintoslylar!

**6:2** Işa 49:8.

Biz siziň bilen aç-açan gürleşdik, size
ýüregimizi açdyk. 12 Sizden söýgimizi
aýamasak-da, siz bizden öz söýgiňizi
aýaýarsyňyz. 13 Men size hut öz çaga-
laryma ýüzlenýän ýaly ýüzlenýärin:
biz ýüreklerimizi size açyşymyz ýaly,
siz-de ýürekleriňizi bize açyň.

### *Butparazlykdan gaça duruň*

14 Iman etmedikler bilen bir boýunty-
ryga girmäň! Dogrulygyň pislik bilen
näme şärikligi bar? Ýa-da nur bilen
tümlügiň näme umumylygy bar? 15 Isa
Mesih bilen şeýtanyň arasynda ylalaşyk,
heý-de, bolup biljek zatmy? Imanly bilen
imansyzyň näme şärikligi bar? 16 Huda-
ýyň ybadathanasy bilen butlaryň, heý-de,
özara ylalaşygy bolarmy? Çünki biz diri
Hudaýyň ybadathanasydyrys. Hudaý:
«Men olaryň arasynda mesgen tutaryn
we olaryň arasynda bolaryn. Men ola-
ryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym
bolarlar» diýipdi ahyryn.

17 «Şoňa görä-de, olaryň arasyndan
çykyň-da,
olardan aýrylyň».
Muny Reb diýýär.
«Haram zatlara el degirmäň,
şonda Men sizi kabul ederin».
18 «Men size Ata bolaryn
siz hem Meniň ogul-gyzlarym
bolarsyňyz».
Muny Hökmürowan Reb diýýär.

## 7-nji bap

1 Eý, söýgüli doganlarym, Hudaý bi-
ze, ine, şeýle wadalary beripdir! Şonuň
üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy
murdar edýän ähli zatdan tämizläliň.
Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes
bolmaga ymtylalyň.

### *Pawlusyň begenji*

2 Bize ýüregiňizden ýer beriň. Biz hiç
kime haksyzlyk etmedik, hiç kimi az-
dyrmadyk, öz bähbidimiz üçin hiç kimi
işletmedik. 3 Men bulary sizi ýazgarmak
üçin aýdamok. Sebäbi ozal hem aýdyşym
ýaly, ýüreklerimiziň töründe ornuňyz
bardyr, biz ýaşasak-da, ölsek-de bile
bolarys. 4 Size biçak ynanýaryn, biçak
guwanýaryn! Men şeýle uly teselli tap-
dym. Muşakgatlarymyz her nähili agyr
bolsa-da, begenjimiň çägi ýokdur. 5 Biz
Makedoniýa baranymyzda-da, hiç bir
rahatlyk tapmadyk. Gaýtam, daş-töwe-
regimizde dawa-jenjeller, ýüregimizde
gorky bolup, her ýandan gysyldyk. 6 Em-
ma Hudaý göwni çökgünlere teselli
berýändir. Ol Titusy ýanymyza iberip,
bize hem teselli berdi. 7 Biz diňe Titusyň
gelmeginden däl, eýsem oňa beren te-
selliňiz barada eşidip-de, teselli tapdyk.
Ol siziň meni küýseýändigiňiz, çuňňur
gynanjyňyz, maňa bolan uly yhlasyňyz
barada gürrüň berende, begenjim öňkü-
den-de artdy.

8 Men sizi öz hatym bilen gynandyran-
da bolsam, ony ýazanyma asla ökünemok.
Hawa, öň ökünipdim, ýöne bu hatyň sizi
diňe az wagtlyk gynandyranyny bilip,
9 indi şatlanýaryn. Men siziň gynanany-
ňyza däl-de, şol gynanmaňyz arkaly toba
geleniňize şatlanýaryn. Siziň gynanma-
gyňyz Hudaýdandyr, bizden zyýan gören
dälsiňiz. 10 Çünki Hudaýdan bolan gynanç
adamy toba getirip, onuň halas bolma-
gyna ýardam edýär. Bu toba ökündirýän
däldir. Emma dünýäden bolan gynanç
ölüme eltýändir. 11 Hudaýdan bolan gynan-
jyň sizde edenlerini bir görüň! Ol sebäpli
sizde nähili gaýrat, özüňizi päklemäge

**6:16** Lew 26:11-12; Ezk 37:27. **6:17** Işa 52:11; Ezk 20:34.

nähili yhlas döredi! Ol sizde, gör, nähili
uly gahar, gorky, meni görmäge küýseg,
yhlas we adalata bolan islegi oýardy. Siz
bu meselede hemmetaraplaýyn müýn-
süzdigiňizi subut etdiňiz. 12 Şunlukda,
men şol haty ýazan hem bolsam, ony ne
ynjadany ýazgarmak üçin, ne-de ynjady-
lanyň tarapyny çalmak üçin ýazypdym.
Men ony bize edýän yhlasyňyz Hudaýyň
huzurynda özüňize-de aýan bolsun di-
ýip ýazypdym. 13 Hakyky, bularyň bary
bize teselli berdi. Siz Titusy begendirip,
onuň köňlüne teselli beripsiňiz. Biz onuň
begenjini görenimizde, muňa öz begen-
jimizden-de köp begendik. 14 Men onuň
ýanynda siz babatda öwnüpdim, siz-de
meniň ýüzümi ýere salmadyňyz. Size aý-
danlarymyzyň elmydama hakykat bolşy
ýaly, Titusyň öňündäki magtanjymyzyň
hem hakykatdygy subut boldy. 15 Ol hem-
mäňiziň maňa tabyndygyňyzy, ony
galpyldy we uly hormat bilen kabul edişi-
ňizi ýatlanda, size bolan söýgüsi has hem
artýar. 16 Şunlukda, men her zatda size
bil baglap bilýändigime örän begenýärin.

## 8-nji bap

### *Sahylyk nusgasy*

1 Indi bolsa, eý, doganlar, Hudaýyň
Makedoniýanyň ýygnaklaryna beren mer-
hemeti barada bilmegiňizi isleýäris. 2 Olar
agyr muşakgatlarda synalsa-da, joşgunly
şatlykdan dolup-daşýarlar. Garyplygy
çenden agyr bolsa-da, sahylyga baýdyrlar.
3 Dogrudan-da, olar elinden gelen, hatda
ondan hem artyk hemaýat kömegini sahy-
lyk bilen meýletin berdiler. 4 Olar Hudaýyň
Iýerusalimdäki halkyna edilýän hyzmata
özleriniň hem şärik edilmegini sorap, bize
ýalbardylar. 5 Bu eden tamamyzdan-da
artyk boldy. Olar özlerini ilki Rebbe, soň-
ra-da Hudaýyň islegine görä bize bagyş
etdiler. 6 Şonuň üçin biz Titusdan siziň ara-
ňyzda başlan bu haýyrly işini şol tärde-de
soňuna çenli dowam etmegini haýyş etdik.
7 Siziň imanyňyz güýçli; siz nädip wagyz
etmelidigini bilýärsiňiz. Siziň düşünjäňiz,
yhlasyňyz we bizden öwrenen söýgiňiz [a]
dolup-daşýar. Hakyky, siz ähli zady şeýle
oňat başarýarsyňyz. Şonuň üçin-de, sa-
hylykda-da şeýle bolmagyňyzy isleýäris.
8 Ýok, bu buýruk däl. Beýleki ýygnaklaryň
yhlasy barada aýtmak bilen, siziň söýgiňi-
ziň näderejede hakykydygyny barlasym
gelýär. 9 Çünki siz Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemetini bilýäňiz: Ol baý bolsa-da, si-
ziň hatyraňyz üçin garyp boldy. Isa Mesih
muny Özüniň garyplygy arkaly siziň baý
bolmagyňyz üçin edipdi. 10 Siz geçen ýyl
hemaýat bermekde ilkinji bolmak bilen
çäklenmän, muny uly höwes bilen etdi-
ňiz. Şunlukda, ine, meniň maslahatym:
11 bu işi öz mümkinçiligiňizden ugur alyp
bitiriň. Ony yhlasly başlaýşyňyz ýaly, yh-
las bilen-de tamamlaň. 12 Çünki hemaýat
bermek höwesi bar bolsa, Hudaý ynsanyň
ýok zadyna görä däl-de, elinde bar bolany-
na görä kabul edýändir. 13 Biz başgalaryň
ýüküni ýeňletjek bolup, size agram salmak
islämzok. Biz hemmelere deňlik bolsun
diýýäris. 14 Siziň bolelinligiňiz şu gün ola-
ryň mätäçliginiň öwezini doldursa, ertirki
gün olaryň bolelinligi siziň mätäçligiňiziň
öwezini doldurar. Şeýlelikde, hemmelere
deňlik bolar. 15 Çünki Töwratda ýazylyşy
ýaly: «Köp ýygnanyňkydan hiç zat artma-
dy, az ýygnanyň hiç kem zady bolmady».

[a] **8:7** ***Bizden öwrenen söýgiňiz*** – käbir golýazmalarda *bize bolan söýgiňiz.*

**8:15** Msr 16:18.

### *Titus we beýleki doganlar Korintosa iberilýär*

16 Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Titu-
syň-da ýüregine size bolan yhlasy saldy.
17 Titus diňe biziň haýyş edenimiz üçin
däl, eýsem size bolan yhlasy sebäpli
ýanyňyza göwünjeňlik bilen gitdi. 18 Titu-
syň ýany bilen imanly doganymyzy hem
iberýäris. Onuň Hoş Habary ýaýmak-
daky hyzmaty üçin, ony ähli ýygnaklar
sylaýandyr. 19 Mundan başga-da, ol ýyg-
naklar tarapyndan saýlanyp, hemaýat
kömegini Iýerusalime äkitmek üçin
bize ýoldaş bellendi. Biziň bu haýyrly
işimiz Rebbi şöhratlandyryp, ýardam
etmekdäki yhlasymyzy görkezýändir.
20 Biz şeýle uly mukdardaky puly paý-
lamakda hiç bir aýyplanma sezewar
bolmaz ýaly, ätiýajy elden bermeýäris.
21 Biz diňe Rebbiň nazarynda däl, eýsem
ynsanlaryň nazarynda hem halal işlemä-
ge dyrjaşýandyrys. 22 Şeýle-de Titusyň
ýany bilen ýene-de bir doganymyzy
iberýäris. Ol özüniň her dürli işlerde
yhlaslydygyny ençeme gezek subut etdi.
Size bolan ynamy sebäpli, ol mundan
beýläk has-da köp yhlas etmäge taýyn-
dyr. 23 Titus babatda şuny aýtmakçy: ol
meniň ýoldaşym we siziň araňyzdaky
hyzmatdaşymdyr. Iberen doganlary-
myz bolsa ýygnaklaryň wekilleri we
Isa Mesihiň şöhratydyr. 24 Şoňa görä-de,
olaryň baryna öz söýgiňizi görkezip, siz
babatdaky magtanjymyzyň ýerliklidi-
gini ähli ýygnaklara subut ediň.

## 9-njy bap

1 Hudaýyň Iýerusalimdäki ýygnakla-
ryna pul ýardamyny bermek barada size
ýazmagyň geregi ýok. 2 Çünki men siziň
ýardam etmekdäki yhlasyňyzy bilýärin.
Men: «Ahaýa welaýaty geçen ýyldan
bäri taýýardyr» diýip, makedoniýaly-
lara siz babatda magtanýaryn. Siziň
şeýle yhlasyňyz köpleri höweslendirdi.
3 Men doganlara siziň taýýardygyňyz we
pul kömeginiň eýýäm ýygnalandygyny
aýdypdym. Ine, şu zatlara göz ýetirmek
üçin, olary siziň ýanyňyza iberýärin.
Men siz baradaky magtanjymyň ýa-
lan bolup çykmagyny islämok. 4 Ýogsa
makedoniýalylar meniň bilen baryp-da,
siziň taýýar däldigiňizi görseler, siz
babatda şeýle ynamly gürlänimize ga-
ty utanarys. Siz barada gürrüň-de ýok!
5 Şoňa görä-de, wada edilen hemaýaty-
ňyzyň taýýardygyna göz ýetirmek üçin,
özüm barmazdan öň doganlarymyzy
ýanyňyza ibermeli diýen karara geldim.
Ýöne men hemaýatyňyzyň mejbury däl-
-de, göwünjeňlik bilen berlen peşgeş
bolmagyny isleýärin. 6 Şuny unutmaň:
gysganyp ekýän az orýandyr, sahylyk
bilen ekýän, bol orýandyr. 7 Göwünsizlik
ýa mejburlyk bilen däl-de, her kes göw-
nünden çykaranyny bersin. Çünki Hudaý
göwünjeňlik bilen berýäni halaýandyr.
8 Hemişe hemme zadyňyz ýeterlik bolup,
islendik ýagşy işe bol mümkinçiligiňiz
bolar ýaly, Hudaý size merhemetini
boldan-bol bermegi başarýandyr. 9 Bu
babatda Mukaddes Ýazgylarda şeýle
ýazylandyr:

«Ol sahylyk bilen paýlady, mätäje
berdi,
onuň dogrulygy dowam eder
ebedi».

10 Hudaý daýhanyň ekjek tohumyny, iýjek
çöregini ýetirýändir. Şoňa görä-de, Ol
siziň ekeniňizi boldan-bol artdyryp, dog-
rulygyňyzyň bol hasylyny ýetişdirmegi

**9:9** Zeb 111:9.

hem başarar. 11 Siz her zatda sahy bolup
bileriňiz ýaly, ähli zada baý bolarsyňyz.
Biz siziň sahy peşgeşiňizi eltip bere-
nimizde, köp adamlar Hudaýa şükür
ederler. 12 Çünki siziň bu hemaýatyňyz
Hudaýyň halkynyň mätäçlikleriniň öwe-
zini doldurmak bilen çäklenmän, eýsem
Hudaýa edilýän şükürleriň dolup-daş-
magyna hem sebäp bolar. 13 Siziň bu
hemaýatyňyz Isa Mesih baradaky Hoş
Habara sadykdygyňyzy subut edýär. Siz
elde baryňyzy olara we beýleki iman-
lylara sahylyk bilen eçilýärsiňiz. Ine,
şularyň bary üçin Hudaýyň halky Ony
şöhratlandyrar. 14 Hudaýyň size beren
boldan-bol merhemetini görüp, olar siziň
üçin doga-dilegler ederler, siziň bilen di-
darlaşmagy küýsärler. 15 Hudaýyň şeýle
ajaýyp peşgeşi üçin Oňa şükürler bolsun!

## 10-njy bap

### *Pawlus dünýäniň ýörelgeleri boýunça söweşmeýär*

1 Men, Pawlus, hawa, araňyzdakam
ýumşak, sizden uzakdakam berk ha-
saplaýan şol Pawlusyňyz, Isa Mesihiň
ýumşaklygy we mähribanlygy bilen ha-
ýyş edip, 2 ýalbarýaryn: size baranymda,
meni siziň bilen aýgytly we çürt-kesik
gürleşmäge mejbur etmäň. Hawa, men
özümizi bu dünýäniň ýörelgelerine
görä gezýändir öýdýänler bilen şeýle
gürleşip bilýärin. Ýöne özüňiz bilen
şeýle gürleşmäge mejbur etmäň. 3 Biz
bu dünýäde ýaşasak-da, onuň ýörelgeleri
boýunça söweşmeýäris. 4 Biziň söweş
ýaraglarymyz ynsan ýaraglary däl-de,
Hudaýyň güýçli ýaraglarydyr. Biz olar
bilen galalary ýykyp, her ýalan pikiri
puja çykarýarys. 5 Bu ýaraglar bilen
Hudaý baradaky bilime garşy çykýan
her belentligi ýumurýarys, her pikiri
ýesirlige alyp, ony Isa Mesihe tabyn
edýäris. 6 Siziň Isa Mesihe bütinleý ta-
byndygyňyza göz ýetirenimizde, her
bitabynlyga jeza bermäge taýýardyrys.
7 Mese-mälim görnüp durana serediň-ä!
Eger kimdir biriniň özüniň Mesihe de-
gişlidigi barada berk ynamy bar bolsa,
goý, şuňa düşünsin: biz hem edil şonuň
ýaly Mesihe degişlidiris. 8 Rebbiň bi-
ze beren ygtyýary babatda has köpräk
öwnäýemde-de, utanmaryn. Sebäbi bu
ygtyýar imanyňyzy ýumurmak üçin däl-
de, ony berkitmek üçin berlendir. 9 Ýöne
sizi diňe öz hatlarym bilen gorkuzjak
bolýarmykam öýtmäň. 10 Käbir adam-
lar: «Pawlusyň hatlary ýowuz we güýçli
bolsa-da, onuň özi aramyza gelende ejiz
görünýär. Onuň gepi-de dereksiz!» diýip
aýdýarlar. 11 Şeýle diýýän adamlar, goý,
şuny bilip goýsunlar: biz uzakdakak öz
hatlarymyzda nähili bolsak, siziň ara-
ňyzdakak hem şolar ýaly bolarys. 12 Biz
özlerini mahabatlandyrýanlaryň käbir-
leri bilen özümizi bir hatarda goýmaga
ýa deňemäge milt-de edip bilemzok.
Olar özlerini ölçeg nusgasydyrys diýip,
biri-birlerini şoňa görä ölçeýärler. Wah,
nähili nadanlyk! 13 Biz çendenaşa däl-de,
Hudaýyň özümize bellän çäklerinde
magtanýarys. Bu çäkleriň içine siz hem
girýänsiňiz. 14 Biz özümize bellenilen
çäkden çykmaýarys. Eger size barmadyk
bolsadyk, onda bellenen çäkden çykyp,
çendenaşa magtandygymyz bolardy.
Ýöne biz Isa Mesihiň Hoş Habaryny
size-de ýetirdik ahyryn! 15 Biz öz çä-
gimizden daşarda başgalaryň eden işi
bilen-de magtanmaýarys. Tersine, si-
ziň imanyňyz gitdigisaýy ösüp, siziň
araňyzdaky işimiz has-da ýaýbaňlanar
diýip umyt edýäris. 16 Şonda biz siziň
sebitleriňizden has uzaklarda-da Hoş
Habary wagyz edip bileris. Sebäbi biz

başganyň çäklerindäki taýýar işler bilen
öwünmek islemeýäris. 17Öwünýän diňe
Reb bilen öwünsin! 18Çünki özüni özi
beýgeldýän däl-de, Rebbiň beýgeldýäni
arzylydyr.

## 11-nji bap

### *Pawlus we galp resullar*

1Käşgä meniň akylsyzlygyma az-kem
geçirimlilik etsediňiz! Wah, geçirimlilik
edýäňiz-le! 2Men sizi Hudaýyň gaban-
jaňlygy bilen gabanýandyryn. Sebäbi
men sizi ýeke-täk bir Ýigide, ýagny Me-
sihe adaglap, sizi Oňa päk gyz hökmünde
niýetledim. 3Ýöne ýylanyň How enäni
kezzaplyk bilen aldaýşy ýaly, siziň-de
aldanmagyňyzdan gorkýaryn. Men pi-
kirleriňiziň bulaşdyrylyp, Mesihe bolan
päk sadyklygyňyzdan aýrylarmykaňyz
diýip gorkýaryn. 4Çünki kimdir biri
gelip, biziň wagyz edenimizden başga
Isany wagyz edende, siz oňa geçirimlilik
edýäňiz-ä! Wah, siz kabul eden Mukad-
des Ruhuňyzdan başga bir ruhy ýa-da
başga «hoş habary» kabul etmäge-de
taýýar ahyryn! 5Ýöne men siziň şol «be-
ýik resullaryňyzdan» asla kem däldirin!
6Men gepe çeper bolmasam-da, bilime
baýdyryn. Biz muny ähli zatda size aý-
dyň görkezendiris. 7Men sizi beýgeltmek
üçin, özümi peseltdim, Hudaýyň Hoş
Habaryny mugt wagyz etdim. Eýsem
şeýle etmek bilen günä galaýdymmy-
kam? 8Men size hyzmat etmek üçin,
beýleki ýygnaklardan hemaýat puluny
alyp, olary talan ýaly boldum. 9Men
araňyzda bolup, mätäçlik çekenimde-de,
siziň hiç biriňize agram salan däldirin.
Sebäbi gerek zatlarymyň baryny Ma-
kedoniýadan gelen doganlarym üpjün
etdiler. Men haýsydyr bir zatda size
agram salmakdan saklandym, mundan
beýläk-de agram salmaryn. 10Mesihiň
mendäki hakykatyndan ant içýärin: Aha-
ýa sebitlerinde ýaşaýanlaryň biri-de
meni bu magtanmadan mahrum edip
bilmez! 11Eýsem men näme üçin size
agram salmadym? Sizi söýmeýändigim
üçinmi? Ýok, sizi söýýändigime Hudaý
şaýatdyr. 12Men mundan beýläk-de hä-
zirki edýänlerimi dowam ederin. Sebäbi
men özlerini biz bilen des-deň işleýändir
öýdüp, magtanmaga pursat agtarýanlara
tutaryk bermerin. 13Şeýle adamlar galp
resullardyr. Olar Mesihiň resullarynyň
keşbine girýän kezzap işgärlerdir. 14Geň
galyp oturasy zat ýok, sebäbi şeýtanyň
özi-de nur saçýan perişdäniň keşbine
girip bilýändir! 15Şoňa görä, onuň ül-
petleriniň-de dogrulyk hyzmatkärleriniň
keşbine girmegi geň zat däldir. Ýöne
olaryň soňy eden işlerine görä bolar.

### *Pawlus öz muşakgatlary bilen magtanýar*

16Ýene-de gaýtalaýaryn: meni akmak
saýmaň! Eger saýýan bolsaňyz, meni
hem bir akmak hökmünde kabul ediň-de,
biraz öwünmäge rugsat ediň. 17Elbetde,
şindi aýtjaklarym Rebden däl, men bir
akmak kimin magtanjakdyryn. 18Hawa,
menem magtanyp göreýin-ä, sebäbi bu
dünýäniň adamlary öwünmegi ýerlikli
hasaplaýarlar-a! 19Çünki siz akmaklara
çydap, olara şeýle geçirimlimişiňiz-ä!
20Hawa, siz gul edilýändigiňize, haky-
ňyzyň iýilýändigine, özüňize zulum
edilýändigiňize, tekepbirlere, şapbatlara
şeýle çydamly ahyryn! 21Utansam-da,
şuny boýun alýaryn: biz sizden asgyn
gelip, siz ýaly bolup bilmänmişik!

**10:17** Ýrm 9:24.

Şunlukda, siziň üçin heniz-de akmak
bolmak bilen, şuny diýýärin: beýlekile-
riň magtanmaga milt edenlerine men-de
milt edýärin. 22 Olar ýewreými? Men-de
ýewreýdirin! Olar ysraýyllymy? Men-de
ysraýyllydyryn! Olar Ybraýymyň nes-
limi? Men-de Ybraýymyň neslidirin!
23 Mesihiň hyzmatkärlerimi? Akmaklyga
salyp şuny diýýärin: men olardan-da
artykdyryn! Men olardan köp zähmet
çekdim, zyndanlara-da olardan köp
düşdüm. Ýenjilmekde-de olardan köp
urlup-ýenjildim. Olara garanyňda ajal
bilen has köp gezek ýüzbe-ýüz bol-
dum. 24 Ýahudylardan bäş gezek otuz
dokuz gamçy iýdim. 25 Üç gezek ta-
ýaklandym, bir gezek daşlandym, üç
gezek gämi heläkçiligine uçradym, bir
gije-gündizimi açyk deňizde geçirdim.
26 Men elmydama ýolda bolmak bilen,
derýalarda howp-hatarlara uçradym;
garakçylardan, öz ilimden, başga mil-
letlerden ýaňa howp astynda gezdim.
Şäherde, çölde, deňizde, dogansumak-
laryň arasynda howp-hatarlara uçradym.
27 Men agyr zähmet çekdim, gara işde
işledim, ençeme gijäni ukusyz geçirdim;
aç-suwsuzlygyň nämedigini bilýärin;
açlykda gezdim, sowukda ýarym-ýala-
ňaç galdym. 28 Bulardan başga-da, ähli
ýygnaklar baradaky gaýgy-aladalar gün-
de üstümi basmarlaýar. 29 Kimdir biri
ejizlände, men hem ejizlemeýärinmi?
Kimdir biri günä iteklenende, ýürek-bag-
rym köýmeýärmi? 30 Eger magtanmaly
bolaýsam-da, öz ejizligim bilen mag-
tanaryn. 31 Baky şan-şöhrata mynasyp
Hudaý we Rebbimiz Isanyň Atasy meniň
ýalan sözlemeýändigimi bilýändir. 32 Da-
mask şäherinde Areta patyşanyň welaýat
häkimi meni tussag etmek üçin, şäheri
gözegçilik astynda saklaýardy. Emma
meni sebede salyp, şäheriň diwaryndaky
penjireden aşak salladylar. Şeýdip, onuň
elinden halas boldum.

## 12-nji bap

### *Pawlusa gelen görnüşler*

1 Hiç peýdasy bolmasa-da, magtanma-
gymy dowam etdirmeli bolýaryn. Indi
Rebden gelen görnüşlere we aýanlykla-
ra geçeýin. 2 Men Mesihiň bir şägirdini
tanaýaryn. Ol on dört ýyl mundan ozal
gökleriň gögüne äkidildi. Bu ahwal
bedende ýa-da bedenden daşarda bo-
lupmy – bilemok, muny Hudaý bilýär.
3 Hawa, men şeýle adamy tanaýaryn. Ol
huşundamy ýa gören görnüşindemi – bi-
lemok, muny diňe Hudaý bilýär, 4 garaz,
jennede äkidilýär. Ol ýerde söz bilen be-
ýan edip bolmajak ajaýyp zatlary, ynsana
aýtmaga rugsat edilmedik zatlary eşidýär.
5 Ine, men şeýle adam bilen magtanaryn.
Özüm babatda diňe ejizligim bolaýma-
sa, başga magtanara zadym ýok. 6 Eger
magtanmaly bolaýamda-da, akmagyň
edişi ýaly etmerin, hakykaty aýdaryn.
Emma men magtanmakdan saklanýaryn.
Ýogsa kimdir biri meni öz göreninden ýa
eşideninden artykmykam öýdäýmesin.
7 Özüme şeýle beýik ylhamlaryň ber-
lendigi sebäpli gopbamsyramaz ýaly,
maňa şeýtanyň bir ilçisi, ýagny bedeni-
me ezýet bermek üçin bir tiken berildi.
8 Ony menden aýyrsyn diýip, Rebbe üç
gezek ýalbardym. 9 Emma Reb şeýle
diýdi: «Saňa beren merhemetim besdir,
sebäbi Meniň gudratym ejizlikde kämil-
leşýändir». Şonuň üçin-de, Isa Mesihiň
güýji mende mesgen tutsun diýip, öz ejiz-
liklerim barada höwes bilen magtanaryn.
10 Şu sebäpden men Mesihiň hatyrasyna
ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere,
yzarlanmalara, muşakgatlara razydyryn.
Çünki men ejizkäm güýçlüdirin!

### *Pawlus korintoslylar barada alada edýär*

[11]Men magtanyp, bir akmak ýaly
boldum. Ýöne meni muňa siz mejbur
etdiňiz-ä! Aslynda meni siz magta-
malydyňyz. Men hiç bolaýamda-da,
özlerini beýik saýýan şol resullardan
pes däl ahyryn. [12]Hakyky resullygyň
nyşanlaryny araňyzdakam alamatlar-
da, mugjyzalarda we gudratlarda uly
çydamlylyk bilen görkezendirin. [13]Men
size beýleki ýygnaklardan kemter ga-
radymmy? Hä, hawa, men size agram
salmadym-ow! Bu «adalatsyzlygym»
üçin meni bagyşlaweriň!

[14]Ine, ýanyňyza gitmek üçin üçünji
gezek ýol şaýymy tutýaryn. Men size
agram salmaryn, sebäbi men zadyňyza
däl-de, didaryňyza zardyryn. Galyber-
se-de, çagalar ene-atalary üçin däl-de,
ene-ata çagalary üçin emläk toplama-
lydyr. [15]Men size diňe ähli zadymy däl,
eýsem özümi hem höwes bilen sarp
ederin. Men sizi şeýle söýýärin! Onda
näme üçin siz meni beýle az söýýärsi-
ňiz? [16]Meniň size agram salmandygym
bilen ylalaşýarsyňyz. Emma şonda-da
mekirlik edip, sizi hile bilen tutupdyryn
diýip, meni aýyplaýarsyňyz. [17]Ýöne nä-
dip? Men ýanyňyza iberen adamlarym
arkaly sizi heý-de öz bähbidim üçin
işletdimmi? [18]Men Titusdan siziň ýany-
ňyza gitmegini haýyş etdim. Onuň ýany
bilen imandaky doganymyzy hem iber-
dim. Heý-de Titus sizi öz bähbidi üçin
işletdimi? Eýsem biz şol bir Mukaddes
Ruha görä ýaşamaýarysmy? Şol bir ýö-
relgä eýermeýärismi? [19]Hä, siz heniz-de
özümizi siziň öňüňizde aklaýandyrys
öýdýäňizmi? Ýok, biz Mesihe degişli
bolup, Hudaýyň huzurynda size şuny
aýdýarys: eý, söýgüli doganlar, biziň ähli
edýänlerimiz imanyňyzy güýçlendirmek
üçindir. [20]Men ýanyňyza baranymda,
biri-birimiz babatdaky tamamyz puç çy-
kaýarmyka diýip gorkýaryn. Baranymda
dawa-jenjel, göriplik, gahar-gazap, ag-
zalalyklar, töhmet, gybat, tekepbirlik we
tertipsizlik görermikäm diýip gorkýaryn.
[21]Men ýanyňyza baranymda, Hudaýym
meni öňüňizde peselderinden gorkýa-
ryn. Ozal günä edip, eden haramlyklary,
zynalary we azgynlyklary üçin toba
etmedikleriň köpüsi zerarly ýas tutmaly
bolarmykam diýip gorkýaryn.

## 13-nji bap

### *Soňky duýduryşlar*

[1]Häzir siziň ýanyňyza üçünji gezek
barýandyryn. Sebäbi Mukaddes Ýaz-
gylarda «Ähli zat iki ýa-da üç şaýadyň
güwäsi bilen tassyklansyn» diýip ýa-
zylandyr. [2]Men ýanyňyza ikinji gezek
baranymda günä edýänlere we beýle-
kilere eýýäm duýduryş beripdim. Indi
ýanyňyzda bolmasam-da, duýduryşy-
my gaýtalaýaryn: baranymda olary-da,
beýlekileri-de gaýgyrmaryn. [3]Sebäbi
siz Mesihiň men arkaly gürleýändigini
subut edýän delilleri talap edýärsiňiz
ahyryn. Mesih siz bilen iş salşanda ejiz
däldir, Ol siziň araňyzda güýçlüdir. [4]Isa
Mesih ejizlikde haça çüýlenen bolsa-da,
indi Hudaýyň gudraty arkaly ýaşaýandyr.
Biz hem Mesihiň ejizligine şärik bolmak
bilen, siziň ugruňyzda Hudaýyň gudraty
arkaly Mesihiň ýaşaýşyna hem şärikdiris.
[5]Imanda mäkäm durup-durmaýanlygy-
ňyzy bilmek üçin, özüňizi synap görüň.
Eýsem siz Isa Mesihiň araňyzdadygyny

**13:1** Kan 19:15.

bilmeýäňizmi? Ýa-da siz synagdan
geçmeýänlerdenmi? 6 Biziň synagdan
geçendigimizi bilersiňiz diýen umydym
bar. 7 Biz siziň ýaman işleri etmezligiňiz
üçin Hudaýa doga-dilegler edýäris. Şeýt-
mek bilen, biz özümizi synagdan geçen
hökmünde görkezmek islämzok. Tersine,
biz synagdan geçmedik bolup görnäýe-
nimizde-de, siz ýagşy işleri etseňiz, şol
ýeterlikdir. 8 Çünki hakykata garşy çyk-
maga gaýratymyz ýokdur, biz hakykatyň
ugrunda gaýratlydyrys. 9 Biz özümiz ejiz,
siz-de güýçli bolanyňyzda şatlanýarys.
Şonuň üçin-de, siziň kämilleşmegiňiz
üçin doga-dileg edýäris. 10 Men bulary
araňyza barmankam ýazýaryn. Men
araňyza baranymdan soň, Rebbiň maňa
beren ygtyýaryny ulanyp size ýowuz
bolmaýyn diýip ýazýaryn. Çünki Reb
maňa bu ygtyýary weýran etmek üçin
däl-de, berkitmek üçin berendir.

### *Soňky salamlar*

11 Şunlukda, eý, doganlar, şatlanyň!
Dogry ýola düşmegi niýet ediniň, aýd-
ýanlaryma gulak asyň, bir pikirde boluň,
parahat ýaşaň. Şonda söýgi we parahat-
lyk Hudaýy siziň hemraňyz bolar.
12 Biri-biriňizi mähirli ogşap salam-
laşyň. Hudaýyň bärdäki halky size köp
salam aýdýar. 13 Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemeti we Hudaýyň söýgüsi hem-
mäňize ýar bolsun! Mukaddes Ruh bilen
ýakyn gatnaşykda ýaşaň!

# Pawlusyň galatýalylara haty

## Giriş

Galatýa welaýaty Rim imperiýasynyň düzümine girýärdi. Bu welaýatyň käbir çäkleri häzirki Türkiýäniň çäklerinde ýerleşýärdi.

Pawlus Isa Mesih baradaky Hoş Habary Galatýada wagyz edip, ol ýerde ençeme ýygnaklaryň düýbüni tutýar. Bu ýygnaklaryň agzalarynyň aglaba bölegi ýahudy halkyndan däldi. Pawlus olara Isa Mesihe eýermek üçin Musanyň Kanuny berjaý etmek hökman däl diýip aýdýar. Emma Pawlus Galatýadan gidenden soň, käbir adamlar ýygnaga gelip, ondaky imanlylara Pawlusy galp resullykda aýyplaýarlar. Munuň bilen hem çäklenmän, olara ýahudylaryň dini kanunlaryny we adatlaryny, şol sanda sünnetlenmäni hem berjaý etmelidigini öwredýärler. Şonuň üçin-de, galp mugallymlar tarapyndan aldawa salnan adamlary hakyky imana we amallara dolandyrmak üçin, Pawlus bu haty ýazýar. Ol öz hatyny Isa Mesihiň resuly diýip atlandyrylmaga doly haklydygy baradaky sözler bilen başlaýar. Pawlus özüniň Hudaý tarapyndan resullyga bellenendigini, munuň Iýerusalimdäki resullar tarapyndan hem goldanylýandygyny (1:18 – 2:10) aýdýar. Ol Isa Mesih baradaky Hoş Habary wagyz etmäge, aýratyn hem başga milletlere wagyz etmäge saýlanylandygyny mälim edýär. Pawlus iman edýän adamyň ozal haýsy dine uýandygyna ýa-da haýsy millete degişlidigine garamazdan, Hudaý bilen diňe iman arkaly ýaraşýandygyny aýratyn belleýär. Ol muny tassyklamak üçin, Ybraýymy mysal getirip, şeýle diýýär: «Geliň, Ybraýymy ýada salalyň: „Ybraýym Hudaýa iman etdi we Hudaý ony dogry hasaplady“» (3:6). Şunlukda, Isa Mesihe iman edýänleriň hemmesi Ybraýymyň nesli hasaplanyp biler, sebäbi Hudaý olary iman edýändikleri üçin dogruçyl hasaplaýar. Şeýle-de olaryň ählisi Isa Mesihe degişli bolup, jynsyna, jemgyýetdäki derejesine we milletine garamazdan, bir adam ýalydyr. Şoňa görä-de, mesihiler üçin ýahudylaryň dini kanunlaryny we adatlaryny berjaý etmek zerurlygy ýokdur. Pawlus hatynyň jemleýji baplarynda mesihiniň hereketleriniň söýgüden döreýändigini, bu söýginiň hem Isa Mesihe bolan imandan ylhamlanýandygyny aýdyň açyp görkezýär.

### *Mazmuny*


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-10*
Pawlusyň resullyk ygtyýarlygy ........ *1:11–2:21*
Hudaýyň merhemeti baradaky hoş habar ........ *3:1–4:31*

Mesihiniň azatlygy we jogapkärçiligi ............ *5:1–6:10*
Jemleme ............ *6:11-18*

**1-nji bap**

[1-2] Men, resul Pawlus we ýanymdaky
doganlarymyň ählisi Galatýadaky iman-
lylar ýygnagyna şu hat bilen dogaýy
salam iberýäris. Meni resullyga ynsan-
lar däl-de, Isa Mesih we Ony ölümden
direlden Ata Hudaý belledi. [3] Atamyz
Hudaýyň we Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemeti, parahatlygy, goý, size ýar
bolsun. [4] Atamyz Hudaýyň yradasyna
görä, Rebbimiz Isa bizi şu azgyn döwür-
den halas etmekçi bolup, günälerimiz
üçin Özüni gurban etdi. [5] Oňa ebedilik
şan-şöhrat bolsun! Omyn!

### *Hoş Habar ýeke-täkdir*

[6] Men Isa Mesihiň merhemeti bilen
sizi çagyran Hudaýdan beýle tiz dänip,
başga bir «hoş habary» kabul edişiňize
örän haýran galýaryn. [7] Başga bir Hoş
Habar ýokdur. Ýöne käbir adamlar sizi
bulaşdyryp, Mesihiň Hoş Habaryny üýt-
getjek bolýarlar. [8] Emma hatda biz ýa-da
asmandan inen bir perişde size öň wagyz
eden Hoş Habarymyzdan başga bir «hoş
habary» wagyz etse, goý, näletli bolsun!
[9] Biziň size ozal aýdanlarymyzy men
ýene-de gaýtalaýaryn: kimdir biri size
ozal kabul eden Hoş Habaryňyzdan baş-
gasyny wagyz etse, goý, lagnatly bolsun!

### *Pawlusyň wagyz eden Hoş Habary ynsandan däldir*

[10] Şunlukda, men kimiň göwnünden
turmakçy bolýaryn: adamlaryňmy ýa-da
Hudaýyň? Eýsem men adamlara ýaran-
jak bolýarynmy? Eger men adamlara
ýaranmakçy bolsadym, onda Mesihiň
hyzmatçysy bolmazdym. [11] Eý, doganlar,
siziň şuny bilmegiňizi isleýärin: meniň
wagyz eden Hoş Habarym ynsandan
däldir. [12] Men ony ynsandan kabul etme-
dim ýa-da öwrenmedim. Maňa ony Isa
Mesihiň hut Özi aýan etdi. [13] Siz meniň
ýahudylaryň dinindekäm ýaşan durmu-
şym barada eşidensiňiz: men Hudaýyň
ýygnaklaryny güýçli yzarlap, olary ýok
etmekçidim. [14] Men ýahudy deň-duşla-
rymyň köpüsinden ýahudylaryň dininde
diýseň ilerläpdim. Ata-babalarymyzyň
däp-dessurlaryny saklamakda hem juda
yhlaslydym. [15-16] Emma Hudaý merhe-
met edip, meni eneden dogulmankam
saýlap çagyrdy. Ol Hoş Habary keseki
milletlere wagyz etmegim üçin, maňa
Öz Ogluny aýan etmegi makul bildi.
Şonda men hiç kime geňeşmedim [17] ýa-
da menden öň resul bolanlary görmek
üçin hatda Iýerusalime-de gitmedim.
Men Arabystana gidip, soňra ýene Da-
maska dolandym.

[18] Şondan üç ýyl soň Petrus[a] bilen
tanyşmak üçin Iýerusalime gidip, onuň-
kyda birki hepde boldum. [19] Şonda men ol
ýerde Rebbimiz Isanyň inisi Ýakupdan
başga resullaryň hiç birini görmedim.
[20] Size ýazýanlarymyň bary hakykatdy-
gy babatda men Hudaýyň öňünde güwä
geçýärin. [21] Soňra men Siriýa we Kilikiýa
sebitlerine gitdim. [22] Isa Mesihiň Ýahu-
dyýa ýurdundaky ýygnaklary meniň

[a] **1:18** ***Petrus*** – grekçe *Kepas,* bu Petrusyň beýleki ady.

hut özüm bilen tanyş däldiler. 23 Olar
men barada: «Birwagt bizi yzarlap, ýok
etmekçi bolan imanyny indi özi wagyz
edýär» diýen habary eşidipdiler. 24 Olar
Hudaýyň meni özgerdenini görüp, Ony
şöhratlandyrdylar.

## 2-nji bap

### *Pawlusyň Iýerusalime ikinji sapary*

1 Men on dört ýyldan Barnap bilen ýe-
ne-de Iýerusalime gitdim. Bu gezek biziň
bilen Titus-da gitdi. 2 Meni ol ýere Reb-
biň ylhamy alyp bardy. Iýerusalimdäki
ýygnaklaryň ýolbaşçylary bilen aýratyn
duşuşyp, olara keseki milletlere wagyz
edýän Hoş Habarymy beýan etdim. Men
muny öňki-soňky edenlerimiň bary puja
çykaýmasyn diýip etdim. 3 Olar bolsa
ýanymdaky Titusy, hatda onuň grekdigi-
ne-de garamazdan, ony sünnetlenmäge
mejbur etmediler. 4 Sünnetlenme mese-
lesi käbir dogansumaklar zerarly ýüze
çykypdy. Olar bizi gul etmek üçin, ara-
myza ogrynça sümlüp, Isa Mesih arkaly
alan azatlygymyzy gizlinlikde aňtadylar.
5 Emma Hoş Habaryň hakykaty siziň bi-
len galsyn diýip, biz bu dogansumaklara
bir pursat-da eglişik etmedik.

6 Ýygnagyň ýolbaşçylary meniň wagyz
edýän Hoş Habaryma hiç zat goşmadylar.
(Olar kim bolsalar-da, maňa parhy ýok,
sebäbi Hudaý adamyň daş keşbine ga-
ramaýar!) 7 Ýygnagyň ýolbaşçylary Hoş
Habary ýahudylara wagyz etmekligiň
Petrusa berlişi ýaly, maňa-da ýahudy
dällere wagyz etmekligiň berlendigini
gördüler. 8 Olar ýahudylara resullyk et-
mäge Petrusy bellän Hudaýyň meni-de
ýahudy dällere resullyk etmäge bellän-
digine, 9 maňa merhemet berlendigine
göz ýetirdiler. Onsoň ýygnagyň diregleri
hasaplanýan Ýakup, Petrus we Ýohanna
dagy maňa we Barnaba doganlygyň ny-
şany hökmünde ellerini uzatdylar. Men
Barnap bilen ýahudy dälleriň arasyna,
olar hem ýahudylaryň arasyna gitme-
li diýip, özara ylalaşdyk. 10 Ýöne olar
mätäçlik çekýän doganlary ýatdan çy-
karman, olara kömek etmegimizi haýyş
etdiler. Men hem muny berjaý etmek
üçin elimde baryny gaýgyrmadym.

### *Pawlus Antakiýada Petrusyň ýalňyşyny düzedýär*

11 Petrus Antiýoha gelende, onuň goý-
beren ýalňyşyny aç-açan ýüzüne aýdyp,
oňa garşy çykdym. 12 Petrus Ýakubyň
iberen adamlary gelmezden ozal, ke-
seki milletler bilen bir saçak başynda
iýip-içýärdi. Emma şol adamlar gelende,
Petrus sünnet edilmegi ündeýänlerden
gorkup, keseki milletlerden çetleşip, olar
bilen gatnaşygy kesdi. 13 Onuň bilen
birlikde beýleki ýahudylar hem ikiýüz-
lülige ýüz urdular, hatda Barnap hem
olaryň ikiýüzlüliginden ýaňa dogry
ýoldan azaşdy. 14 Men olaryň edýän he-
reketleriniň Hoş Habaryň hakykatyna
laýyk däldigini gördüm. Şonda men
hemmeleriň öňünde Petrusyň ýüzüne
gelip, şeýle diýdim: «Sen ýahudy bolsaň-
da, ýahudylar ýaly ýaşamaýarsyň. Sen
başga milletler ýaly ýaşaýarsyň. Onsoň
sen näme üçin başga milletleri ýahudylar
ýaly ýaşamaga mejbur edýärsiň? 15 Biz
aslymyz boýunça ýahudydyrys, günäli
saýylýan keseki milletlerden däldiris.
16 Adam Mukaddes Kanuny berjaý etmek
arkaly däl-de, diňe Isa Mesihe bolan
imany arkaly aklanýandyr. Muny hat-
da biz hem bilýäris. Şoňa görä-de, biz
Mukaddes Kanuny berjaý etmek arkaly
däl-de, Isa Mesihe bolan imanymyz
arkaly aklanmak üçin, Oňa iman etdik.
Çünki Mukaddes Kanuny berjaý etmek

arkaly hiç kim aklanýan däldir. 17Mu-
kaddes Kanun bizi, ýagny Mesih arkaly
aklanmakçy bolýanlary hem günäli çy-
karýar. Onda Mesih günäniň gullukçysy
bolýarmy? Ýok, bu düýbünden beýle
däl! 18Men kanunçylyk binasyny ýyk-
dym. Indi ony gaýtadan dikeltsem, onda
kanuny bozýandygymy özüm tassykla-
ýaryn. 19Mukaddes Kanunyň özi meni
ölüme höküm etdi. Şoňa görä-de, men
Mukaddes Kanun üçin öli bolup, indi
onuň gözegçiliginde däldirin. Men indi
Hudaý üçin ýaşaýandyryn. Men Mesih
bilen haça çüýlendim: 20indi men däl-de,
mendäki Mesih ýaşaýandyr. Bedendäki
ýaşaýşym bolsa Hudaýyň Ogluna[a] bo-
lan imanym arkalydyr. Ol meni söýüp,
Özüni meniň üçin gurban etdi. 21Men
Hudaýyň merhemetini inkär etmeýärin.
Çünki Mukaddes Kanuny berjaý etmek
arkaly aklanyp bolýan bolsady, onda
Mesihiň ölümi biderek bolardy».

## 3-nji bap

### *Kanunçylyga dolanmaň!*

1Eý, akmak galatýalylar! Siziň gözü-
ňizi kim baglady? Men size Hoş Habary
wagyz edenimde, haça çüýlenen Isa
Mesihi hut öz gözüňiz bilen görýän
ýalydyňyz ahyryn! 2Men sizden diňe
bir zady soramakçy: siz Mukaddes Ruhy
Kanuny berjaý edip aldyňyzmy? Elbetde,
ýok! Siz Mukaddes Ruhy eşiden Hoş
Habaryňyza iman edeniňiz üçin aldy-
ňyz. 3Siz Mukaddes Ruh bilen başlap,
indi-de öz ynsan güýjüňiz bilen kämil
boljak bolýaňyzmy? Eýsem siz şeýle
akmakmy?! 4Eýsem başdan geçirenle-
riňiziň bary biderek bolaýdymyka? Wah,
elbetde biderek däl! 5Hudaý size Öz
Ruhuny berip, araňyzda köp gudratlary
görkezdi. Ol bulary Mukaddes Kanuny
berjaý edeniňiz üçin däl-de, Hoş Habary
eşidip, oňa ynanandygyňyz üçin etdi.

### *Hudaý iman edenleri ýalkaýar*

6Geliň, Ybraýymy ýada salalyň: «Yb-
raýym Hudaýa iman etdi we Hudaý ony
dogry hasaplady». 7Şoňa görä-de, şuny
bilip goýuň: iman edenler Ybraýymyň
hakyky neslidir. 8Hudaý Ybraýyma:
«Ähli milletler sen arkaly ýalkanar» di-
ýip, oňa ilkibaşda buşlapdy. Mukaddes
Ýazgylaryň şu sözleri Hudaýyň milletleri
imanlaryna görä aklajakdygyny owaldan
habar beripdi. 9Şunlukda, iman edýän
her kes iman guly bolan Ybraýym bilen
bile ýalkanýandyr. 10Emma Mukaddes
Kanuny doly berjaý etmelidir öýdüp, oňa
daýanýanlar nälet astyndadyr. Çünki:
«Bu Kanun kitabyny doly ýerine ýetir-
medik adama, goý, nälet bolsun!» diýip
ýazylgydyr. 11Hudaýyň huzurynda hiç
kim Mukaddes Kanun arkaly aklanyp
bilýän däldir. Bu mese-mälim zat, sebä-
bi «dogruçyl iman arkaly ýaşar» diýip
ýazylgydyr. 12Mukaddes Kanuny berjaý
etmek bolsa imana bagly däldir. Emma
«ony berjaý edýän adam aman galar».
13Mesih Kanunyň yglan eden näletini
Öz üstüne alyp, bizi şol näletden halas
etdi. Çünki Töwratda: «agaçdan asylan
her kes näletlenendir» diýip ýazylgydyr.

---

[a] **2:20** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

---

**3:6** Gçk 15:6. **3:8** Gçk 12:3; 18:18; 22:18. **3:10** Kan 27:26. **3:11** Hab 2:4.
**3:12** Lew 18:5. **3:13** Kan 21:23.

[14]Hawa, Isa Mesih bularyň baryny Yb-
raýyma berlen ýalkanyşyň Özi arkaly
başga milletlere hem ýaýramagy üçin,
iman arkaly wada berlen Mukaddes
Ruhy alyp bilmegimiz üçin etdi.

### *Rebbiň Ybraýyma beren wadasy*

[15]Eý, doganlar! Men gündelik dur-
muşdan bir mysal getireýin: ynsanlaryň
özara ylalaşyp baglaşan ähtini hiç kim
bozup-da, oňa zat goşup-da bilmeýär.
[16]Hudaý Ybraýym bilen äht baglaşdy.
Ol bu ähti berjaý etjekdigi barada Yb-
raýyma we onuň nesline wada berdi.
Mukaddes Ýazgylarda «seniň nesil-
leriňe» diýip köpçülik barada däl-de,
«seniň hut öz nesliňe» diýip, ýeke-täk
Biri barada wada berlendir. Bu hem Isa
Mesihdir. [17]Şeýlelikde, men size şuny
aýtmakçy: dört ýüz otuz ýyl geçenden
soň berlen Mukaddes Kanun bu ähti bo-
zup-da, Hudaýyň wadasyny ýatyryp-da
bilýän däldir. [18]Miras kanun boýunça
däl-de, wada boýunça berilýändir. Hu-
daý bu mirasy Ybraýyma peşgeş berdi.
Çünki Hudaý oňa wada beripdi.

### *Mukaddes Kanunyň maksady*

[19]Onda Mukaddes Kanun nämä ge-
rek boldy? Ol günäniň nämedigini
görkezmek üçin goşmaça berlipdi. Ka-
nun Hudaýyň wadasy we Ybraýymyň
nesli bolan Mesih gelýänçä hereket etdi.
Bu Kanun perişdeler arkaly töwella-
çy Musanyň gatnaşmagynda berlipdi.
[20]Ýeke-täk biriniň bolan ýerinde bolsa
töwellaçy gerek bolmaýar. Hudaý hem
ýeke-täk bolany üçin, wadasyny tö-
wellaçy arkaly däl-de, gönüden-göni
beripdi. [21]Diýmek, Mukaddes Kanun
Hudaýyň wadasyna garşy çykýar-da?!
Elbetde, ýok! Ýöne Kanun bize ýaşaýyş
berip bilmeýär ahyryn. Muňa görä, ol
arkaly dogrulygy-da gazanyp bilmeýäris.
[22]Emma Mukaddes Ýazgylaryň yglan
etmegine görä, biziň ählimiz günäniň
tussaglarydyrys. Hudaý bolsa bize wada
beren peşgeşini Isa Mesihe iman ed-
ýänimiz üçin berýär. [23]Biz Isa Mesihe
iman etmezden öň Mukaddes Kanunyň
guludyk, gelejekki iman aýan bolýança,
bu Kanunyň tussagydyk. [24]Şunlukda,
biz iman arkaly aklanyp biler ýaly, Mu-
kaddes Kanun Mesih gelýänçä, biziň
terbiýeçimiz boldy. [25]Biz indi Isa Me-
sihe iman edýäris. Şonuň üçin-de, biz
mundan beýläk Kanunyň gözegçiliginde
däldiris.

### *Siz Hudaýyň mirasdüşerisiňiz*

[26]Siziň baryňyz Isa Mesihe degişli
bolup, Oňa bolan imanyňyz arkaly Hu-
daýyň perzentlerisiňiz. [27]Çünki suwa
çümdüriliş arkaly Isa Mesih bilen birigen
siziň baryňyz indi Oňa beslenensiňiz.
[28]Indi ýahudy däl bilen ýahudynyň,
gul bilen erkin adamyň, erkek bilen
aýalyň arasynda hiç bir parh ýokdur.
Isa MesihMesihe degişli bolanyňyz
üçin, indi baryňyz birsiňiz. [29]Eger siz
Mesihe degişli bolsaňyz, onda Ybra-
ýymyň neslisiňiz we berlen wada görä
mirasdüşersiňiz.

## 4-nji bap

[1]Men size şuny hem aýdaýyn: miras-
düşer tutuş mülküň hojaýyny bolsa-da,
çagalyk döwründe guldan hiç tapawudy
ýokdur. [2]Ol atasynyň bellän wagty-
na çenli dolandyryjynyň we ynamdar
adamlaryň gözegçiliginde bolýandyr.
[3]Biz hem çaga ýaly bolanymyzda, bu

**3:16** Gçk 12:7; 13:15; 24:7.

dünýäniň esasy ýörelgeleriniň guludyk.
4 Emma bellenilen wagt ýetip gelende,
Hudaý Öz Ogluny iberdi. Ol aýaldan
doglup, Mukaddes Kanuna laýyklyk-
da ýaşady. 5 Bularyň bary Mukaddes
Kanunyň guly bolup ýaşaýanlaryň azat
bolmagy üçin, biziň-de ogullygyň äh-
li hukuklaryny alyp bilmegimiz üçin
edildi. 6 Siz ogullyga kabul edileniňiz
üçin, Hudaý Özüni «Abba! [a], Atam!»
diýip çagyrýan Oglunyň Ruhuny biziň
ýüreklerimize [b] iberdi. 7 Şunlukda, siz
indi gul däl-de, Hudaýyň ogullarysy-
ňyz. Ogul bolanyňyz üçin, Hudaý sizi
Özüniň mirasdüşeri edýändir [ç].

### *Pawlus galatýalylary gaýgy-alada edýär*

8 Siz öň Hudaýy tanamaýardyňyz. Şol
döwürde siz galp hudaýlaryň guludyňyz.
9 Indi bolsa siz Hudaýy tanaýarsyňyz,
dogrusy, Hudaý tarapyndan tanalýan-
syňyz. Şundan soň siz nädip şol ejiz
we ýaramaz ýörelgelere dolanýarsy-
ňyz?! Ýa-da gaýtadan olaryň guly
bolmak isleýärsiňizmi? 10 Siz dini baý-
ramlara: mukaddes günlere, Täze Aý
baýramlaryna, pasyl baýramlaryna we
ýyllara üns berýärsiňiz ahyryn! 11 Men
siz babatda uly alada galýaryn. Eýsem
meniň zähmetim biderek bolaýarmyka?
12 Eý, doganlarym, ýalbarýaryn: men
ýaly boluň! Sebäbi men hem siz ýaly
bolandyryn. Siz maňa hiç nähaklyk
etmediňiz. 13 Men size ilkibaşda Hoş
Habary syrkawkam wagyz edendigim
ýadyňyzdadyr. 14 Şonda ýarawsyzlygym
sizi kyn ýagdaýa salsa-da, siz maňa
äsgermezçilik etmändiňiz [d], meni ret
etmändiňiz. Tersine, meni Hudaýyň
perişdesi ýaly, Isa Mesihiň hut Özi ýaly
kabul edipdiňiz. 15 Indi ol şatlygyňyza
näme boldy? Meniň özüm diri şaýat
ahyryn: siz eliňizden gelse, öz gözüňizi
hem oýup, maňa berjekdiňiz-ä! 16 Eýsem,
men size hakykaty aýdýanlygym üçin,
indi duşmanyňyza öwrüläýdimmi?

17 Käbir dogansumaklar betpällerine
eýerip, sizi bizden aýryp, öz tarapla-
ryna çekmäge jan edýärler. Olar diňe
özleri babatda yhlasly bolmagyňyzy
isleýärler. 18 Ýagşylyk üçin diňe men ýa-
nyňyzdakam däl, eýsem hemişe yhlasly
bolmak ýagşydyr. 19 Eý, eziz balalarym!
Siz tä Isa Mesihiň häsiýetlerine doly
eýe bolýançaňyz, men ýene-de siziň
üçin dogurma burgularyny çekýän ýa-
ly bolýaryn. 20 Wah, edil şu wagt siziň
ýanyňyzda bolup, äheňimi üýtgetsedim!
Sebäbi men sizi şeýle alada edýärin!

### *Hajar we Sara*

21 Eý, Mukaddes Kanuna görä ýaşa-
makçy bolýanlar! Men şuny soramakçy:
eýsem siz Töwratda ýazylany bilme-
ýäňizmi? 22 Töwratda Ybraýymyň iki
oglunyň bolandygy barada ýazylgydyr.
Olaryň biri gyrnak aýalyndan, beýlekisi
bolsa azat aýalyndandy. 23 Gyrnakdan
oglunyň bolmagy adaty bir zatdy. Emma
azat aýalyndan bolan ogly berlen wada
görä doglupdy.

---

[a] **4:6** ***Abba*** – arameýçe bu söz *Atam* diýmegi aňladýar.

[b] **4:6** ***Biziň ýüreklerimize*** – käbir golýazmalarda *siziň ýürekleriňize.*

[ç] **4:7** ***Hudaý… edýändir*** – bu jümle käbir golýazmalarda *siz Isa Mesih arkaly Hudaýyň mirasdüşerisiňiz* diýip duş gelýär.

[d] **4:14** ***Şonda ýarawsyzlygym… äsgermezçilik etmändiňiz*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Şonda siz bedendäki synagymy äsgermezçilik etmändiňiz* diýip duş gelýär.

[24]Bu ýerde meňzetme bardyr. Iki aýal
iki ähtiň nyşanydyr. Bir äht Sinaý dagyn-
da edilip, Hajara meňzeýär. Sebäbi ol gul
çagalary dünýä indirýär. [25]Hajar Arabys-
tandaky Sinaý dagyny aňladyp, häzirki
Iýerusalime hem meňzeýär. Sebäbi ol
çagalary bilen gulçulykdadyr. [26]Emma
göklerdäki Iýerusalim azatdyr. Ol biziň
enemizdir. [27]Mukaddes Ýazgylarda:

«Şatlan, eý, çaga dogmadyk
önelgesiz,
burguda bolmadyk,
begençden aýdym aýt!
Çünki öň terk edilen aýalyň
ogullary
ärli aýalyň ogullaryndan köp
bolar» – diýip ýazylgydyr.

[28]Eý, doganlarym, indi siz Yshak ýaly
wada görä doglan ogullarsyňyz. [29]Ten
boýunça doglan ogul Hudaýyň Ruhu-
nyň güýji arkaly doglan ogly yzarlap,
oňa azar beripdi. Häzir hem şeýledir.
[30]Emma Mukaddes Ýazgylar näme
diýýär? «Gyrnagy ogly bilen bile çy-
karyp kow. Gyrnagyň ogly azat aýaldan
doglan ogul bilen mirasy paýlaşmaz».
[31]Şunlukda, eý, doganlarym, biz gyr-
nagyň çagalary däl-de, azat aýalyň
çagalarydyrys.

## 5-nji bap

### *Mukaddes Kanun arkaly aklanjak bolmaň!*

[1]Isa Mesih bizi azat etmek üçin boşat-
dy. Şonuň üçin-de berk duruň[a], gulçulyk
boýuntyrygyny gaýtadan saldyrmaň.
[2]Gulak goýuň! Ine, men, Pawlus, size
şuny diýýärin: eger siz özüňizi sün-
netletmäge ýol berseňiz, onda Mesihiň
edenleri siziň üçin kör köpükdir. [3]Özüni
sünnetletmäge ýol beren her bir ada-
ma men ýene-de bir gezek şuny mälim
edýärin: ol tutuş Mukaddes Kanuny
berjaý etmäge borçludyr. [4]Eý, özüni
Mukaddes Kanun arkaly aklamakçy
bolýanlar! Siz Mesihden aýryldyňyz,
Hudaýyň merhemetinden mahrum
bolduňyz. [5]Biz bolsa Mukaddes Ruha
daýanyp, umyt baglaýan aklanmamyza
iman bilen garaşýandyrys. [6]Çünki Isa
Mesihe degişli bolanlaryň arasynda
ne sünnetliligiň, ne-de sünnetsizligiň
ähmiýeti bardyr. Diňe söýgä daýanýan
iman ähmiýetlidir.
[7]Siz şeýle oňat gadam urýardyňyz
ahyryn. Sizi hakykata ynandyrmajak
bolup, kim siziň gadamyňyza badak
saldy? [8]Sizi bu ynandyrma çagyrýan
Hudaýdan däldir! [9]Ujypsyz hamyrma-
ýa tutuş hamyry turşadýandyr. [10]Siziň
başgaça pikir etmejekdigiňiz babatda
Reb meni ynandyrýar. Siziň pikiriňizi
bulaşdyrýan kim bolsa bolubersin, ol
öz jezasyny çeker. [11]Eý, doganlarym!
Eger men heniz-de sünnetlenilmäni
wagyz edýän bolsam, onda men näme
üçin yzarlanýarkam?! Eger dogrudan-da
şeýle bolýan bolsa, onda Isanyň haçy
babatdaky wagzym büdreme daşy bol-
mazdy. [12]Sizi bulaşdyrýan adamlar, goý,
öz-özlerini düýbünden agta edäýsin!

### *Mukaddes Ruha laýyklykda ýaşaň!*

[13]Eý, doganlarym! Siz azat bolmaga
çagyrylansyňyz. Ýöne bu azatlygyňyzy

[a] **5:1** ***Isa Mesih… duruň*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Isa Mesihiň bize beren azatlygynda duruň* diýip duş gelýär.

**4:27** Işa 54:1. **4:30** Gçk 21:10.

ynsan höwesleriňizi kanagatlandyrmak
üçin ulanmaň. Gaýtam, birek-birege
söýgi bilen hyzmat ediň. [14]Çünki tutuş
Mukaddes Kanun: «Ýakynyňy özüňi
söýşüň ýaly söý» diýen bir buýrukda
jemlenendir. [15]Ägä boluň! Çünki siz
biri-biriňizi «çeýnemegi», «ýuwutma-
gy» bes etmeseňiz, biri-biriňizi ýok
edersiňiz. [16]Size şuny aýdasym gel-
ýär: Mukaddes Ruhuň ýörelgesinden
ýöräň. Şonda siz ynsan höweslerine
eýermersiňiz. [17]Çünki ynsan höwesleri
Mukaddes Ruha garşydyr; Mukaddes
Ruh hem ynsan höweslerine garşydyr.
Olar biri-biri bilen hiç oňuşmaýarlar. Şo-
nuň üçin-de, siz öz islän zadyňyzy edip
bilmeýärsiňiz. [18]Emma siz Mukaddes
Ruha eýerýän bolsaňyz, Kanuna görä
ýaşamaga borçly dälsiňiz.

[19]Ynsan höwesleriniň netijesi bel-
lidir. Olar zynahorlyk, haramlyk we
azgynlykdyr; [20]butparazlyk we doga-ja-
dygöýlikdir; ýigrenç, agzalalyk, göriplik,
gahar, bäsdeşlik, jedel, bölünişik [21]we
bahyllyk; serhoşlyk[a], azgynlyk meý-
lisleri we şuňa meňzeş zatlardyr. Men
size öň duýduryşym ýaly, ýene-de bir
gezek duýdurýaryn: kimde-kim şular
ýaly ýaşaýan bolsa, Hudaýyň Şalygyny
miras almaz.

[22]Mukaddes Ruhuň miweleri bolsa
şulardyr: söýgi, şatlyk, parahatlyk, sabyr-
lylyk, mähribanlyk, ýagşylyk, sadyklyk,
[23]ýumşaklyk, özüňe erk edip bilmeklik.
Bu zatlara garşy çykýan kanun ýokdur.
[24]Isa Mesihe degişli bolanlar öz ynsan
höweslerini we joşgunlaryny haça çüý-
ländirler. [25]Mukaddes Ruh bize täze
ýaşaýyş berýär. Şoňa görä-de, geliň
Oňa eýereliň. [26]Şöhratparaz bolmalyň,
biri-birimizi gaharlandyrmalyň, biri-
birimize göriplik etmäliň.

## 6-njy bap

### *Biri-biriňize ýardam beriň*

[1]Şunlukda, eý, doganlar, eger kimdir
biri günäniň toruna düşen bolsa, siz, ýag-
ny Ruha görä ýaşaýanlar, ony ýumşaklyk
bilen dogry ýola getiriň. Emma synaga
düşmez ýaly, özüňize-de gözegçilik
ediň. [2]Biri-biriňize hemaýatkär boluň.
Şeýle etseňiz, Mesihiň kanunyny berjaý
etdigiňiz bolar. [3]Emma kimdir biri hiç
bolup-da, özüne nämedirin öýtse, ol
özüni aldaýandyr. [4-5]Her kim öz edýän
hereketlerini derňesin. Her kes özüne
düşen ýüki özi götersin. Şonda ol özüni
başgalar bilen deňeşdirmezden, özüne
guwanyp biler. [6]Şunlukda, söz arka-
ly öwüt alýan adam oňa öwüt berýän
bilen ähli ýagşy zatlaryny paýlaşsyn.
[7]Öz-özüňizi aldamaň: Hudaý Özüni
ýaňsyladýan däldir. Adam näme ekse,
şony hem orýandyr. [8]Öz höweslerini
kanagatlandyrmak isleýän özüni weýran
eder. Emma Mukaddes Ruhy kanagat-
landyrmak isleýän baky ýaşaýşy alar.
[9]Ýagşylyk etmekde ýadamalyň. Eger
ruhdan düşmesek, öz wagtynda orarys.
[10]Şoňa görä-de, heniz wagtymyz barka,
hemmelere, aýratyn-da imandaky do-
ganlarymyza ýagşylyk edeliň.

### *Sünnetlilik däl-de, täze ýaradylyş wajypdyr*

[11]Ine, size öz elimiň şeýle uly harplar
bilen ýazýanyny görüň!

---

[a] **5:21** Käbir golýazmalarda *ganhorlyk* diýen söz hem bar.

---

**5:14** Lew 19:18.

[12] Tende oňat görnesi gelýänler sizi
sünnetlenmäge mejbur edýärler. Olar
Mesihiň haçy sebäpli yzarlanmakdan
gorkup şeýle edýärler. [13] Emma sün-
netlenmäniň tarapdarlarynyň özleri-de
Mukaddes Kanuny berjaý edýän däl-
dir. Olar siziň sünnetlidigiňiz babatda
magtanmak üçin, sizi sünnetletjek
bolýarlar. [14] Men bolsa Rebbimiz Isa
Mesihiň haçyndan başga zat babat-
da asla magtanasym gelmeýär. Şu
haç arkaly men bu dünýä üçin, bu
dünýä-de meniň üçin ölüdir. [15] Çünki
ne sünnetliligiň [a], ne-de sünnetsizligiň
ähmiýeti bardyr. Diňe täze ýarady-
lyş ähmiýetlidir. [16] Hudaýyň Ysraýyl
halkyna, ýagny şu düzgüni berjaý
edýänleriň baryna parahatlyk bilen
merhemet ýar bolsun!

[17] Mundan beýläk hiç kim maňa şu
zatlar babatda azar bermesin! Sebäbi
meniň bedenimde Isa Mesihe degişli-
digimi görkezýän ýara yzlary bardyr.

[18] Eý, doganlarym! Goý, Rebbimiz
Isa Mesihiň merhemeti size ýar bol-
sun. Omyn!

---

[a] **6:15 *Çünki ne sünnetliligiň*** – käbir golýazmalarda *Çünki Isa Mesihe degişli bolanlaryň arasynda ne sünnetliligiň.*

# Pawlusyň efeslilere haty

## Giriş

Efes şäheri Aziýa welaýatynyň (häzirki Türkiýäniň) günbatarynda ýerleşýän port şäheridi. Hatyň ýazylan döwründe bu şäher öz ululygy boýunça Rim imperiýasynda dördünji orny eýeleýärdi. Mundan başga-da, Efes şäheri tebigata sežde etmegiň gadymy dini merkezi bolup, onda zenan hudaý Artemise sežde edilýärdi (Res 19-njy bap). Awtor efeslilere ýüzlenip, olaryň Isa Mesihiň ýörelgesine eýerýänler hökmünde Hudaýyň eziz çagalarydygyny we olaryň Hudaýyň göreldesine eýermelidigini aýdýar (5:1). Olar birwagtlar garaňkylykda ýaşaýardylar, emma indi nurda ýaşap, öz nurlaryny parlatmalydyrlar (5:8,9).

Hatyň esasy mowzugy bitewülik baradadyr. Hatyň birinji babynda Hudaýyň ölümden direlden Isa Mesihiň hökümdarlygy barada aýdylýar. Ol göklerde Hudaýyň sagynda oturyp, tutuş dünýä hökümdarlyk edýär. Hudaýyň ahyrky we iň ajaýyp niýeti ýerdäki we gökdäki ähli zatlary bir Başa, ýagny Isa Mesihe birikdirmekden ybaratdyr (1:10).

Hatyň birinji bölüminde bitewülik baradaky pikir ýaýbaňlandyrylýar. Onda Atamyz Hudaýyň Öz halkyny saýlaýşy, onuň günälerini bagyşlaýşy, Isa Mesih arkaly halkyň öz günälerinden azat edilişi, Hudaýyň beýik wadasynyň Mukaddes Ruh arkaly kepillendirilişi beýan edilýär. Hatyň ikinji bölüminde Isa Mesihe eýerýän imanlylara biri-birini söýmeklik ündelýär.

Hudaýyň halkynyň Isa Mesihdäki bitewüligini görkezmek üçin, hatda dürli suratlandyrmalar ulanylýar. Onda ýygnak – beden, Isa Mesih bolsa onuň başy hökmünde ýa-da ýygnak – bina, Isa Mesih bolsa onuň burç daşy hökmünde suratlandyrylýar. Awtor Hudaýyň Isa Mesih arkaly berýän merhemetini beýan edip, Onuň bagyşlamasyna, merhemetine we päkligine mynasyp durmuşda ýaşamagy ündeýär.

### *Mazmuny*

Salamlar we doga-dilegler .......... *1:1-2*
Isa Mesih we ýygnak .......... *1:3–3:21*
Isa Mesihdäki täze ýaşaýyş .......... *4:1–6:20*
Jemleme .......... *6:21-24*

## 1-nji bap

1 Hudaýyň yradasy bilen Isa Mesihiň
resuly bolan men Pawlusdan Efesdäki
Hudaýyň halkyna, ýagny Isa Mesihe
iman edýänlere dogaýy salam!
2 Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz Isa
Mesihiň merhemeti, parahatlygy, goý,
size ýar bolsun!

### *Mesihden alýan ruhy ýalkanyşlarymyz*

3 Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa
öwgüler bolsun! Ol Mesih arkaly bizi
gökdäki ruhy ýalkanyşlaryň ählisi bilen
ýalkady. 4 Öz huzurynda mukaddes we
müýnsüz bolmagymyz üçin, biri-birimizi
söýüp, Isa Mesihe degişli bolmagymyz
üçin, Hudaý bizi dünýä ýaradylmazdan
öň saýlap-seçdi. 5 Ol Isa Mesih arkaly bizi
ogullyga almak barada owaldan karara
gelipdi. Bu Onuň göwnüne ýarap, yrada-
sy bilen boldy. 6 Söwer Ogly arkaly bize
boldan-bol eçilen şöhratly merhemeti
üçin Hudaýa öwgüler bolsun! 7 Hudaý
çuňňur baý merhemeti bilen Oglunyň
döken gany arkaly günälerimizi bagyşlap,
bizi azat etdi. 8 Şeýle hem, bu merhemeti
arkaly Ol bizi tutuş akyldarlygy we dü-
şünjesi bilen gurşap aldy.
9 Hudaý ilkibaşdan Mesihde amala
aşyran ýagşy niýetleri arkaly Öz isleginiň
syryny bize aýan etdi 10 Bu niýetiň amala
aşyrylmaly wagty gelende, Hudaý ýerdä-
ki we gökdäki ähli zatlary bir Başa, ýagny
Isa Mesihe birikdirer. 11-12 Hemme zady
Öz islegine laýyklykda ýerine ýetirýän
Hudaý Öz niýetine görä bizi öňden belläp,
Mesih arkaly saýlap-seçdi. Ol muny bi-
ziň, ýagny Isa Mesihe ilkinji bolup iman
edenleriň Hudaýyň şan-şöhratyny arşa
götermegimiz üçin amal etdi. 13 Indi siz
hem hakykat sözüni, ýagny halas bolmak
baradaky Hoş Habary eşidip, Mesihe
iman etdiňiz. Şoňa görä-de Hudaýyň
wada beren Mukaddes Ruhy bilen mö-
hürlendiňiz. 14 Hudaýa degişli adamlar
doly azat bolýança, Mukaddes Ruh biziň
mirasymyzyň kepilnamasydyr. Bularyň
bary Hudaýa şan-şöhrat getirýär.
15-16 Şoňa görä Reb Isa bolan ima-
nyňyzy we Hudaýyň ähli halkyna
bolan söýgiňizi eşidelim bäri, siziň
üçin Hudaýa dyngysyz şükür edip,
doga-dileglerimde sizi dilimden dü-
şüremok. 17 Men Hudaý – Rebbimiz
Isa Mesihiň beýik Atasyna siziň üçin
dileg edýärin. Goý, Ol size Ony has oňat
tanap bilmegiňiz üçin, size Mukaddes
Ruhuň akyldarlygyny hem ylhamyny
bersin. 18-20 Hudaýyň Öz çagyranla-
ryna beren umydyna, halkyna eçilen
şöhratly mirasynyň baýlygyna we biz
iman edenlere görkezen deňsiz-taýsyz
gudratyna göz ýetirmegiňiz üçin, goý,
Ol ýüregiňiziň gatyny nurlandyrsyn
diýip dileg edýärin. Bu gudrat Huda-
ýyň Mesihi direldip, gökde Öz sagynda
oturdan güýjüne meňzeşdir. 21 Hudaý
Mesihi ähli hökümdarlykdan, ygtyýar-
lykdan, güýç-gudratdan we agalykdan,
şeýle hem diňe bu döwürde däl, eýsem
geljek döwürde-de tutuljak her bir atdan
has ýokary goýdy. 22 Hudaý hemme zady
Onuň aýaklarynyň astyna tabyn edip,
imanlylar ýygnagynyň bähbidi üçin
Ony ähli zada baş etdi. 23 Imanlylar
ýygnagy Mesihiň bedenidir. Ol ähli
zady Özünde jemleýän Mesih bilen
doldurylandyr.

## 2-nji bap

### *Ölümden ýaşaýşa geçdik*

1 Owal siz ýazyklaryňyz we gü-
näleriňiz sebäpli ölüdiňiz. 2 Edil

dünýädäki beýleki adamlar ýaly siz-
de günäli ýaşaýşa eýerip, Hudaýa tabyn
bolmadyklara heniz-de täsirini ýetirýän
gökdäki ruhy güýçleriň hökümdaryna
gulluk edýärdiňiz. 3 Biziň hemmämiz
şolar ýaly ýaşamagy adat edindik. Biz
ynsan tebigatynyň höweslerine, islegle-
rine we pikirlerine eýerdik. Şeýlelikde,
biz-de beýlekiler ýaly ynsan tebigaty-
myz zerarly Hudaýyň gazabyna duçar
bolan adamlardyk. 4-5 Emma günäleri-
miz sebäpli öli hem bolsak, merhemete
baý Hudaý Özüniň çuňňur söýgüsini
görkezip, bizi Mesih bilen bilelikde di-
reltdi. Siz Hudaýyň merhemeti arkaly
halas bolduňyz. 6 Hawa, Hudaý bizi Me-
sih bilen bile direltdi we Ol arkaly bizi
gökdäki älemde oturtdy. 7 Ol muny Isa
Mesih arkaly bize eden merhemetiniň
we mähremliliginiň ummasyz baýly-
gyny geljek döwürde görkezmek üçin
etdi. 8 Çünki siz iman arkaly Hudaýyň
merhemeti bilen halas edildiňiz. Bu si-
ziň öz tagallaňyz bilen bolmady, muny
size Hudaý peşgeş berdi. 9 Hiç kim yn-
san tagallasy bilen halas boldum diýip
öwünmesin. 10 Sebäbi Hudaý bizi Isa
Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan
taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegi-
miz üçin ýaratdy.

### *Mesih bilen bütewülik*

11 Şonuň üçin, eý, asly ýahudy däller!
Öňki ýagdaýyňyzy ýadyňyza salyň. Bir-
wagtlar özlerine «sünnetliler» diýýän
ýahudylar sizi «sünnetsizler» diýip at-
landyrýardylar. Emma olaryň agzaýan
sünneti beden bilen bagly ýönekeýje
bir adatdyr. 12 Şol wagtlar siz Mesihden
aýrydyňyz, Ysraýyl raýatlygyndan mah-
rumdyňyz, Hudaýyň wada berip, Öz
halky bilen eden ähtleri size degişli
däldi. Siz bu dünýäde Hudaýsyz we
umytsyzdyňyz, 13 indi bolsa Isa Mesihe
degişlisiňiz. Siz birwagtlar Hudaýdan
uzakdyňyz, indi bolsa Isa Mesihiň
döken gany arkaly Oňa ýakynsyňyz.
14 Hakykatdanam, Mesihiň Özi biziň pa-
rahatlygymyzdyr. Ol Öz janyny gurban
edip, bu iki topary bir etdi, olaryň ara-
syndaky duşmançylyk diwaryny ýykyp
taşlady. 15 Ol Töwradyň kanunlaryny we
däp-dessurlaryny ýatyrdy-da, iki halky
birleşdirip, täze bir halk ýaratdy we pa-
rahatçylygy berkarar etdi. 16 Ol haçdaky
ölümi arkaly duşmançylygy ýok etdi we
iki topary bir beden kimin edip, olary
Hudaý bilen ýaraşdyrdy. 17 Mesih gelip,
Hudaýdan uzakda bolan size we golaý-
da bolan ýahudylara bu parahatlyk Hoş
Habaryny yglan etdi. 18 Indi Mesihiň üsti
bilen biziň hemmämiz bir Ruh arkaly
Atanyň huzuryna baryp bilýäris. 19 Şeý-
lelikde, eý, ýahudy däller, siz mundan
beýläk keseki-de, gelmişek-de dälsiňiz.
Siz indi Hudaýyň mukaddes halkynyň
raýatysyňyz we Hudaýyň maşgalasynyň
agzasysyňyz. 20 Siz berk binýadyň üstün-
de bina edilensiňiz. Bu binýat resullar we
pygamberlerdir. Onuň burç daşy bolsa
Isa Mesihiň Özüdir. 21 Bütin ymarat Isa
Mesih arkaly birleşýär we ösüp, Rebbe
bagyşlanan mukaddes ybadathana bol-
ýar. 22 Siz hem ýahudylar ýaly Hudaýyň
Mukaddes Ruhunyň mesgeni bolmak
üçin, hemmäňiz birlikde Mesihde bina
edilýärsiňiz.

## 3-nji bap

### *Pawlusa aýan bolan syr*

1 Şu sebäpli Isa Mesihiň ugrunda
tussaglykda oturan men-Pawlus siz
ýahudy däller üçin Hudaýa dileg ed-
ýärin. 2 Öz merhemetini siz ýahudy
dällere ýetirmek üçin, Hudaýyň maňa

aýratyn tabşyryk berendigini, elbetde,
eşidensiňiz. [3] Size öň gysgaça ýazyşym
ýaly, Hudaý maňa Öz syryny aýan
etdi. [4] Hatymy okanyňyzda, Mesihiň
bu syryna meniň näderejede düşün-
ýändigimi aňarsyňyz. [5] Hudaý bu syry
öňki nesillere aýan etmän, eýsem häzir
Mukaddes Ruh arkaly Öz mukaddes
resullaryna, pygamberlerine äşgär etdi.
[6] Ine, Hudaýyň syry şudur: Hoş Ha-
bary kabul edýän ýahudy däller hem
ýahudylara berlen ýalkanyş wadasyna,
bir bedene, bir mirasa deň derejede
şärikdirler. Sebäbi olaryň hemmesi
Isa Mesihe degişlidir.

[7] Men Hudaýyň beýik gudraty we
peşgeş beren merhemeti arkaly Hoş
Habaryň hyzmatçysy boldum. [8] Men
Hudaýyň halkynyň arasynda iň ähmi-
ýetsizidim, emma muňa garamazdan
Mesihiň akyl ýetmez baýlygyny ýahudy
dällere wagyz etmek jogapkärçiligini
Hudaý maňa berdi. [9] Ähli zady ýara-
dan Hudaý geçmişden bäri bu syry Öz
huzurynda gizlin saklady, bu syryň
manysynyň nämedigini indi her bir
ynsana äşgär etmeklik maňa beril-
di. [10] Özüniň çuňňur baý akyldarlygy
imanlylar ýygnagy arkaly gökdäki
ruhy hökümdarlara we erk-ygtyýar-
lylara bildirilsin diýip, Hudaý şeýle
etdi. [11] Bu Hudaýyň owal-başdan bäri
meýilnamasy bolup, ony Rebbimiz Isa
Mesih arkaly amala aşyrdy. [12] Isa Me-
sih we Oňa bolan imanymyz arkaly
biz Hudaýyň huzuryna uly ynam we
batyrgaýlyk bilen ýakynlaşyp bilýäris.
[13] Şonuň üçin hem, ugruňyzda çekýän
gaýgy-hasratlarym sebäpli siziň ruhdan
düşmezligiňizi haýyş edýärin. Gaýtam,
bular size şöhrat getirýändir.

### *Pawlusyň efesliler üçin Hudaýa dilegi*

[14-15] Şeýlelikde, ýerde we gökde her bir
millete at beren Atamyzyň [a] huzurynda
men dyza çökýärin. [16] Goý, Ol çäksiz
şan-şöhraty bilen Öz Ruhy arkaly siziň
içki barlygyňyzy gudrat bilen güýçlen-
dirsin. [17-18] Isa Mesih imanyňyz arkaly
ýürekleriňizde ýaşasyn. Şeýle-de, men
söýginiň sizde kök urup ornaşmagyny,
Mesihiň söýgüsiniň nähili giň, uzyn,
belent we çuňňurdygyna Hudaýyň äh-
li halky bilen birlikde düşünmegiňizi
Hudaýdan dileýärin. [19] Hawa, Huda-
ýyň kämilliginden dolup bileriňiz ýaly,
Mesihiň aň-bilim ýeterden üstün bolan
bu söýgüsine akyl ýetirip bilmegiňizi
Hudaýdan dileýärin.

[20] Bizde işleýän gudratyna görä, Hudaý
her bir haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan
hem has ýokary zatlary etmegi başar-
ýandyr. [21] Imanlylar ýygnagy we Isa
Mesih arkaly, goý, Hudaýa nesillerboýy
ebedilik şan-şöhrat bolsun! Omyn.

## 4-nji bap

### *Mesihiň bedeninde birikmek*

[1] Rebbiň ugrunda tussaglykda bolan
men sizden Hudaýdan alan çagyryly-
şyňyza mynasyp ýaşamagyňyzy haýyş
edýärin. [2] Iňňän pes göwünli hem
ýumşak boluň. Sabyr-takatly bolup, mä-
hir-muhabbet bilen biri-biriňize çydaň.
[3] Özara parahatlykda ýaşap, Mukaddes
Ruhuň birligini goramaga dyrjaşyň. [4] Siz
bir Bedene, bir Ruha şärik bolýarsyňyz;
Hudaý hemmäňizi bir umyda çagyran-
dyr. [5] Rebbiňiz-de, imanyňyz-da birdir,
siziň hemmäňiz bir maksat bilen çüm-

[a] **3:14-15** ***Atamyzyň*** – käbir golýazmalarda *Rebbimiz Isa Mesihiň Atasynyň.*

dürilensiňiz. 6Ähli zatdan üstün, ähli
zat arkaly we ähli zatda bolan Atamyz
Hudaý-da birdir.
7Mesih biziň her birimize sahylyk
bilen peşgeşler eçildi. 8Munuň üçin
Mukaddes Ýazgylarda şeýle diýilýär:
«Ol ýokary belentlige çykanda,
ýesirleri Özi bilen äkitdi;
ynsanlara peşgeşler berdi».
9Eýsem «çykanda» diýen söz nämäni
aňladýar? Bu Mesihiň ilki aşak – ýer
ýüzüne inendigini aňlatmaýarmy näme?
10Aşak inen-de, tutuş älem-jahany dol-
durmak üçin, gökleriň gögüne çykan-da
Oldur. 11Ine, Mesihiň Özi käbirlerini
resul, käbirlerini pygamber, başga bi-
rilerini Hoş Habarçy, öwrediji, beýleki
birlerini ýygnagyň çopanlary edip belle-
di. 12Olaryň wezipesi Hudaýyň halkyny
Oňa hyzmat etmäge taýýarlamakdan we
Mesihiň bedeni bolan imanlylar ýygna-
gyny berkitmekden ybaratdyr. 13Munuň
netijesinde hemmämiz imanda bir bolup,
Hudaýyň Ogly Mesihi [a] tanap-bilip, Ol
ýaly doly kämillige ýeteris.
14Şeýdip, mundan beýläk ynsanlaryň
ýalançylygynyň we ökdelik bilen düz-
ýän her hili taglymatynyň şemalyna
kowlup, eýläk-beýläk iteklenýän çaga-
lar ýaly bolmarys. 15Tersine, hakykaty
söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan
Mesih ýaly hemmetaraplaýyn kämil-
leşeris. 16Onuň ýolbaşçylygy astynda
tutuş beden her bognuň kömegi bilen
baglanyp, Oňa birikdirilýär. Her agza-
nyň kadaly işlemegi netijesinde beden
kemala gelip, söýgi arkaly sazlaşykly
hereket edýär.

### *Nuruň çagalary bolup ýaşaň*

17Şonuň üçin Rebbiň adyndan si-
ze şuny buýurýaryn: mundan beýläk
keseki milletler ýaly boş düşünjeler bilen
ýaşamaň. 18Olaryň aň-düşünjesini ga-
raňkylyk gaplady. Nadan we doňýürek
bolandyklary üçin, olar Hudaýyň beren
durmuşyndan mahrum boldular. 19Olar
ar-namys duýgusyny bütinleý ýitirip,
doýmaz-dolmaz boldular, her hili ha-
ramlyk edip, azgynçylyga ýüz urdular.
20Emma siz Mesih barada öwreneniňiz-
de, beýle zatlary öwrenen dälsiňiz. 21Siz
Isanyň sözlerini eşidensiňiz we Onuň
hakykatyna esaslanyp, tälim alansyňyz.
22Öň öwredilişi ýaly, öňki durmuşy-
ňyzy, ýalançy höwesler bilen ýoldan
çykaran köne ýaradylyşyňyzy çykaryp
taşlaň. 23Muňa derek oý-pikiriňizde
we garaýşyňyzda täzeleniň. 24Hakyky
dogrulyk we mukaddeslik bilen Huda-
ýyň keşbinde ýaradylan täze ýaradylyşa
bezleniň. 25Indi ýalan sözlemäň-de, her
biriňiz öz ýakynyňyza hakykaty aýdyň.
Çünki biziň hemmämiz bir bedeniň ag-
zalarydyrys. 26Gaharlanyp günä etmäň.
Gaharyňyzyň üstüne Gün ýaşmasyn.
27Iblise orun bermäň. 28Ogurlyk eden
indi ogurlyk etmesin! Gaýtam, öz elleri
bilen zähmet çekip, mätäje paýlamaga
zady bolar ýaly, peýdaly iş etsin. 29Agzy-
ňyzdan hiç haçan ýaramaz söz çykmasyn.
Gaýtam, diňleýänleriň mätäçliklerine
görä, gerekli sözleri sözläp, olary ruh-
landyryň, şonda sözleriňiz olara peýda
getirer. 30Hudaýyň Mukaddes Ruhuny
gamgyn etmäň. Çünki Mukaddes Ruh

[a] **4:13** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

**4:8** Zeb 67:19. **4:26** Zeb 4:5.

siziň Hudaýa degişlidigiňiziň hem-de
gutulyş güni azat edilmegiňiziň ke-
pilnamasydyr. 31 Her hili öýke-kine,
gahar-gazap, paýyş sözler aýtmak we
töhmet atmak ýaly ýigrenji häsiýetler
sizden daş bolsun. 32 Biri-biriňize mähirli
we rehim-şepagatly boluň. Hudaýyň sizi
Mesih arkaly bagyşlaýşy ýaly, siz hem
biri-biriňizi bagyşlaň.

## 5-nji bap

1 Şeýle hem siz söýgüli çagalar kimin
Hudaýdan görelde alyň. 2 Mesih ýaly
söýüp ýaşaň. Ol bizi söýüp, Hudaýa
ýakymly ysly sadaka hem gurbanlyk
hökmünde biziň üçin janyny gurban
etdi. 3 Araňyzda azgynlyk, haramlyk,
açgözlük edýän bolmasyn. Beýle zatlar
Hudaýyň halkyna gelişmeýär. 4 Şeýle
hem araňyzda biedeplik, ýaňralyk, bi-
derek degişme-de bolmasyn. Bular size
ýaraşmaýar. Muňa derek Hudaýa şükür
ediň. 5 Şuny bilip goýuň: hiç bir azgy-
nyň, murdaryň ýa-da açgözüň Mesihiň
we Hudaýyň Şalygynda mirasy ýokdur.
Çünki şeýle adamlar butparazlar bilen
des-deňdir 6 Hiç kim sizi boş sözler bilen
aldamasyn. Şu zatlar sebäpli Hudaýyň
gazaby Özüne boýun egmeýänleriň üs-
tünden inýändir. 7 Şonuň üçin olar ýalylar
bilen gatnaşmaň. 8 Ýadyňyzdamy, bir-
wagtlar siz garaňkylykdyňyz, ýöne indi
Reb arkaly nursuňyz. Şonuň üçin nuruň
çagalary bolup ýaşaň. 9 Dogrudanam, äh-
li ýagşylyk, dogrulyk we hakykat nuruň [a]
miwesidir. 10 Rebbi hoşnut etjek zady
bilmäge çalşyň. 11 Garaňkylygyň ýaman
işlerine gatyşmaň, tersine, olary paş
ediň. 12 Olaryň edýän gizlin işleri hakda
hatda söz açmak-da aýypdyr. 13 Emma
nur parlanda, ähli zat paş edilip, aýdyň
görner. 14 Çünki nur ähli zady äşgär ed-
ýändir. Şonuň üçin şeýle diýilýär: «Oýan,
eý, uka giden! Ölümden direl! Mesih
saňa nur saçar». 15 Şeýlelikde, nähili
ýaşaýandygyňyza üns beriň. Nadanlar
ýaly däl-de, danalar ýaly ýaşaň. 16 Her bir
pursatdan degerli netije çykaryň, sebäbi
bu ýaramaz döwürdir. 17 Şonuň üçin-de
samsyk bolman, gaýtam, Rebbiň yrada-
synyň nämedigine düşüniň. 18 Şerapdan
serhoş bolmaň, bu sizi wejeralyga elter.
Tersine, Mukaddes Ruhdan dolup-daşyň.
19 Bilelikde mezmurlar, öwgüli we ruhy
aýdymlar aýdyň; Rebbe tüýs ýürekden
sazlar çalyp, nagmalar aýdyň. 20 Ähli zat
üçin Rebbimiz Isa Mesihiň adyndan Ata
Hudaýa hemişe şükür ediň.

### *Är-aýal gatnaşygy*

21 Isa Mesihe hormat goýmak bilen
biri-biriňize tabyn boluň. 22 Eý, aýal-
lar, Rebbe tabyn bolşuňyz ýaly, äriňize
hem tabyn boluň. 23 Mesih imanlylar
ýygnagynyň başy bolşy ýaly, är hem
aýalyň başydyr. Mesih Öz bedeni bo-
lan ýygnagyň Halasgäridir. 24 Şonuň
üçin imanlylar ýygnagynyň Mesihe
tabyn bolşy ýaly, aýallar-da ähli zatda
öz ärine tabyn bolsunlar. 25-26 Eý, ärler,
Isa Mesihiň imanlylar ýygnagyny söýşi
ýaly, siz hem öz aýalyňyzy söýüň. Ol Öz
ýygnagyny suw bilen ýuwup, Hudaýyň
sözi bilen tämizledi, ony Özüne mukad-
des halk edinmek üçin, janyny gurban
etdi. 27 Ol muny Öz huzuryna tegmiltsiz,
ýygyrtsyz, birkemsiz, ýagny şöhratda
mukaddes hem müýnsüz bir ajaýyp
ýygnagy getirmek üçin etdi. 28 Edil şu
tärde ärler-de aýalyny öz bedenlerini
söýüşleri ýaly söýmelidirler. Aýalyny
söýýän özüni söýýändir. 29 Elbetde, hiç

[a] **5:9** ***Nuruň*** – käbir golýazmalarda *Ruhuň*.

kim hiç haçan öz bedenini ýigrenýän
däldir. Gaýtam, edil Mesihiň imanlylar
ýygnagyna seredişi ýaly, ony iýmit-
lendirip, aladasyny edýändir. 30 Sebäbi
biz Mesihiň bedeniniň agzalarydyrys [a].
31 Töwratda şeýle ýazylan: «Şol sebäpden
hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen
birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar».
32 Bu beýik syrdyr, ýöne men munda
Mesih we imanlylar ýygnagy barada
gürrüň edýärin. 33 Şunlukda, her biriňiz
aýalyňyzy özüňizi söýşüňiz ýaly söýüň,
aýal hem ärine hormat goýsun.

## 6-njy bap

### *Çagalar we ene-atalar*

1 Eý, çagalar, Rebbiň hatyrasy üçin
ene-ataňyzyň sözüne gulak asyň, sebä-
bi bu dogrudyr. 2-3 «Ene-ataňa hormat
goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde
ömrüň uzak bolar» – bu Hudaýyň wa-
da bilen beren ilkinji buýrugydyr. 4 Eý,
atalar, siz hem çagalaryňyzyň gaharyny
getirmäň. Gaýtam, olary Rebbiň terbi-
ýesi hem öwüdi bilen ulaldyň.

### *Gul-hojaýyn gatnaşygy*

5 Eý, gullar, ýerdäki hojaýynyňyzyň
sözüne edil Mesihiň sözüne gulak as-
ýan ýaly, gorky we titreme bilen çyn
ýürekden gulak asyň. 6 Muny diňe olaryň
öňünde merhemet gazanmak üçin däl-de,
eýsem Mesihiň guly hökmünde Hudaýyň
yradasyny ak ýürekden ýerine ýetirmek
üçin ediň. 7 Adamlara däl-de, Rebbe hyz-
mat edýän kimin tüýs ýürekden hyzmat
ediň. 8 Çünki isle gul bolsun, isle azat,
her kimiň öz eden ýagşylygynyň öwezini
Rebden aljakdygyny siz bilýänsiňiz. 9 Eý,
hojaýynlar, siz hem gullaryňyza edil
şu tärde serediň, olary gorka salmaň,
sebäbi olaryň hem, siziň hem gökde
Hojaýynyňyzyň birdigini bilýänsiňiz.
Ol hiç kime tarapgöýlik etmeýär.

### *Hudaýyň beren ruhy ýaraglary*

10 Şunlukda, Rebbiň beýik güýji bi-
len kuwwatlanyň. 11 Iblisiň hilelerine
garşy durup bileriňiz ýaly, Hudaýyň
beren ähli ruhy ýaraglaryny dakynyň.
12 Sebäbi biziň söweşimiz ynsanlara
garşy däldir! Tersine, biz tümlügiň ruhy
hökümdarlaryna we erk-ygtyýarlyla-
ryna, şeýle-de gökdäki ýowuz ruhy
güýçlere garşy söweşýäris. 13 Şonuň
üçin ýaman döwürde gaýtawul berip
bilmegiňiz üçin, Hudaýyň ähli ýaragla-
ryny dakynyň. Şonda ornuňyzda berk
durmagy başararsyňyz. 14 Şeýlelikde,
hakykaty biliňize guşak edip dakynyň,
dogrulygy egniňize sowut edip geýiň.
15 Aýagyňyza bolsa parahatlyk getirýän
Hoş Habary wagyz etmek taýynlygyny
geýiň. 16 Bularyň ählisiniň üstesine-de,
imany galkan edinip dakynyň! Onuň
bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçür-
megi başararsyňyz. 17 Şeýle hem gutulyş
tuwulgasyny geýip, Hudaýyň sözüni,
ýagny Mukaddes Ruhuň gylyjyny ele
alyň. 18 Her bir ýagdaýda ýalbarmak
bilen, Mukaddes Ruhuň ylhamy ar-
kaly Hudaýa doga-dileg ediň. Hüşgär
boluň, Hudaýyň ähli halky üçin hemişe
dilegde boluň. 19 Her gezek geplänimde,
gerekli sözler berilsin diýip, meniň

[a] **5:30** ***Mesihiň bedeniniň agzalarydyrys*** – käbir golýazmalarda *Onuň etinden, süňkünden bolup, Mesihiň bedeniniň agzalarydyrys.*

**5:31** Gçk 2:24. **6:2-3** Msr 20:12; Kan 5:16.

üçinem Hudaýdan diläň. Şonda men
Hoş Habar baradaky syry batyrgaýlyk
bilen aç-açan wagyz ederin. [20] Sebä-
bi men Hoş Habaryň zynjyrlar bilen
baglanan ilçisidirin. Muny gorkman, bolmalysy ýaly yglan edip bilmegim üçin dileg ediň.

### *Salamlar*

[21] Meniň ýagdaýymy, näme edýänimi siziň-de bilmegiňiz üçin, söýgüli doganymyz, Rebbiň sadyk hyzmatkäri Tihik size hemme zady gürrüň berer.
[22] Ine, hut şu maksat bilen, biziň ýagdaýymyzy habar bermek, şeýle-de sizi ruhlandyrmak üçin, men ony siziň ýanyňyza iberýärin. [23] Atamyz Hudaýdan,
Rebbimiz Isa Mesihden doganlarymyza parahatlyk, iman we söýgi dileýärin.
[24] Rebbimiz Isa Mesihi ölmez-ýitmez söýgi bilen söýýänleriň baryna Hudaýyň merhemeti ýar bolsun! [a]

[a] **6:24** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Pawlusyň filipililere haty

## Giriş

Filipi şäheri Gresiýanyň demirgazyk-gündogar böleginde ýerleşip, onda grekler we rimliler ýaşaýardylar. Latyn dili döwlet dili bolsa-da, şäheriň ilaty esasan grek dilinde gürleşýärdi. Pawlus Hoş Habary wagyz etmek üçin eden ikinji syýahatynyň dowamynda bu şäherde ilkinji ýygnagyň düýbüni tutupdy (Resullaryň işleri, 16-njy bap). Bu ýygnak Ýewropa sebitlerindäki ilkinji ýygnakdy.

Pawlus bu haty tussaglykda oturan döwründe ýazýar (1:7). Ol öz hatynda Filipidäki imanlylara doga-dilegleri we ýardamlary üçin çäksiz minnetdardygyny aýdýar (1:5; 4:10-19). Pawlus Hoş Habaryň wagzyny dowam etdirmek üçin tussaglykdan boşadylmaga umyt edýär (3:17-19). Emma ol özüniň ölüme höküm edilmeginiň hem mümkindigini bilýär (1:21; 2:17; 3:10). Pawlus ozal Isa Mesihiň, indi bolsa özüniň jebir-jepalara duçar bolşy ýaly, Filipi şäherindäki imanlylaryň hem jebir çekmekleriniň ahmaldygy barada duýdurýar. Şeýle ýagdaý ýüze çyksa, Isa Mesihe bolan imanyň hatyrasyna bu jebir-jepalary ýalkanyş hökmünde kabul etmelidigini aýdýar (1:28-30).

Filipidäki ýygnakda kynçylyklar bardy, sebäbi ýygnagyň käbir agzalary Hudaý tarapyndan halas edilmek üçin Musanyň Kanunyny hökman berjaý etmeli diýip aýdýardylar. Emma Pawlus olara bütinleý garşy çykyp, şeýle «imanlylardan» ägä bolmalydygyny ýygnaga duýdurýar (3:2-11).

Pawlusyň tussaglygyna garamazdan, hat şatlykdan doludyr. Ol her ýagdaýyň bähbitli tarapyna garamalydygyna düşünýär we Filipidäki ýygnagyň oňa eden ähli ýagşylyklaryny ýatlaýar. Pawlus olara Hudaýyň halkynyň özara ylalaşykly bolup (2:2; 4:2-3), hemme zada Isa Mesihiň garaýşy ýaly garamalydygyny ýatladýar: *«Isa Mesih Hudaýyň tebigatyna eýe bolsa-da, ony Özüne dereje saýmady, ondan mäkäm ýapyşmady. Gaýtam, bir gul kimin bolup, ynsan keşbinde bu dünýä indi, Ol Özüni asla hiç etdi. Ol ynsan sypatyna girip, ölüme, hatda haçdaky ölüme-de tabyn boldy, Özüni peseltdi»* (2:6-7).

### *Mazmuny*


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-11*
Pawlus ýaşaýşyň asyl manysyna nähili düşünýär? ........ *1:12-30*
Isa Mesihiň hakyky tabynlyk göreldesi ........ *2:1-18*
Pawlusyň dostlary baradaky habarlar ........ *2:19-30*

Hudaý tarapyndan kabul edilmek ....................................................*3:1–4:9*
Pawlus filipililere minnetdarlyk bildirýär....................................... *4:10-20*
Soňky salamlar ........................................................................... *4:21-23*

---

**1-nji bap**

1 Isa Mesihiň gullary bolan men
Pawlusdan we Timoteosdan Isa Mesih
arkaly Hudaýyň halkyna degişli bolan
filipilileriň baryna, şol sanda ýygnak
ýolbaşçylaryna we hyzmatçylaryna do-
gaýy salam!
2 Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz Isa
Mesihiň merhemeti, parahatlygy, goý,
size ýar bolsun!

### *Şükürler we doga-dilegler*

3 Men her gezek siz barada oýlananym-
da, Hudaýyma şükür edýärin. 4 Siziň
ähliňiz üçin şatlanyp, elmydama Hudaýa
doga-dilegler edýärin. 5 Çünki siz ilkinji
günden tä şu wagta çenli Hoş Habary
ýaýratmakda hyzmatdaşlyk edýärsiňiz.
6 Sizde ýagşy işi başlan Hudaýyň muny
Isa Mesihiň geljek gününe çenli bitir-
jekdigine ynanýaryn.
7 Men tussaglykda bolsam-da, Hoş
Habary gorap, ony ykrar etsem-de, siz
maňa berlen merhemetli gullukda elmy-
dama hyzmatdaşlyk edýärsiňiz. Şonuň
üçin-de men siz babatda şeýle şatlan-
maga haklydyryn. Çünki ýüregimiň
töründe ornuňyz bar ahyryn! 8 Men sizi
görmäge intizardygyma we Isa Mesihiň
söýgüsi bilen söýýändigime Hudaýyň
hut Özi şaýatdyr.
9 Men söýgiňiziň bilimde we ýiti
düşbülikde bolelin dolup-daşmagyny
Hudaýdan dileýärin. 10 Çünki men siziň
möhüm zatlary saýgaryp, Isa Mesihiň
geljek gününde päk we müýnsüz bolma-
gyňyzy isleýärin. 11 Şonda durmuşyňyz
Isa Mesih arkaly amala aşýan dogry
işlerden dolup-daşar, siz Hudaýa öwgi
we şan-şöhrat getirersiňiz.

### *Hoş Habary tussag edip bolmaýar*

12 Indi bolsa, eý, doganlar, size şulary
mälim edesim gelýär: meniň başyma
inen külpetler dogrudan-da Hoş Habaryň
ýaýramagyna ýardam etdi. 13 Şunlukda,
meniň Mesih sebäpli tussag edilendigim
köşk goragçylaryna we beýlekileriň
baryna mälim boldy. 14 Meniň bu tus-
saglygym imandaky doganlarymyň
köpüsini ruhlandyrdy. Olar gorkman,
batyrgaýlyk bilen Hoş Habary wagyz
edýärler. 15 Hawa, olaryň käbirleri meniň
bilen bäsleşip, Isa Mesih baradaky Hoş
Habary bahyllykdan wagyz edýärler,
käbirleri bolsa ýagşy niýetden wagyz
edýärler. 16 Bular meniň Hoş Habary
goramak üçin saýlanandygymy bilip,
ony söýgi bilen wagyz edýärler. 17 Emma
beýlekiler Mesihi päk ýürekden däl-de,
öz bähbitlerini aramak üçin wagyz edip,
tussaglykdaky külpetlerimi artdyrmak-
çy bolýarlar. 18 Edenlerinde näme?! Her
nähili bolsa-da, isle betpällikden, isle-de
ýagşy niýetden, barybir olar Isa Mesihi
wagyz edýärler. Men muňa begenýärin.
Hawa, gaýta-gaýta begenerin, 19 sebäbi
doga-dilegleriňiz we Isa Mesihiň Ruhu-
nyň kömegi arkaly bu külpetleriň maňa
azatlyk getirjekdigini bilýärin. 20 Çünki
men asla utanja galmajakdygyma, he-
mişekim ýaly şindi hem mertlik bilen
hereket etjekdigime ynanýaryn. Men
ýaşasam-da, öldürilsem-de, meniň be-
denim arkaly Mesih beýgeldiler. 21 Çünki

meniň üçin ýaşaýyş Mesihdir, ölüm-de
bähbitlidir. 22 Emma ýaşasam, hasylly
zähmet çekerin. Şonuň üçin-de haýsy-
syny saýlajagymy bilmeýärin. 23 Men iki
dagyň arasynda galdym: men dünýäden
ötüp, Mesihiň ýanynda bolmak isleýärin.
Bu juda ýagşydyr; 24 emma meniň diri
galmagym size has-da gereklidir. 25 Men
şu babatda ynamym bolany üçin, diri
galjakdygymy bilýärin. Hawa, imanda
we onuň berýän şatlygynda ösüp bile-
riňiz ýaly, men ýene-de siziň araňyzda
galaryn. 26 Şoňa görä-de, men tussaglyk-
dan boşap, ýanyňyza baranymda, siz Isa
Mesihiň meniň üçin edenleri babatda
has-da köp magtanyp bilersiňiz.

### *Durmuş ýörelgäňiz Hoş Habara laýyk bolsun*

27 Eý, doganlar, durmuş ýörelgäňiz Isa
Mesihiň Hoş Habaryna laýyk bolsun.
Şonda ýanyňyza baryp sizi görsem-de,
ýanyňyzda bolman, siz barada eşit-
sem-de, Hoş Habara daýanýan iman
ugrunda bir adam ýaly göreşip, ýeke-täk
bir Ruhda berk durandygyňyzy bilerin.
28 Şeýle-de, özüňize garşy çykýanlardan
asla gorkmaýandygyňyzy bilerin. Siziň
imanda şeýle berk durmagyňyz olaryň
heläk boljakdygyndan, siziň bolsa halas
ediljekdigiňizden nyşandyr. Bular Hudaý
tarapyndyr. 29 Çünki size diňe Isa Mesihe
iman etmek däl, eýsem Onuň hatyra-
syna jebir-jepa çekmek hem berlendir.
30 Siz meniň göreşimi özüňiz gördüňiz,
ol barada şindi hem eşidýänsiňiz. Bu
göreşime siz hem şäriksiňiz.

## 2-nji bap

1 Şunlukda, eger Mesih bilen bol-
maklyk sizi ruhlandyrýan bolsa, Onuň
söýgüsinden teselli tapýan bolsaňyz,
Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşyk
saklaýan bolsaňyz, rehim-şepagatyňyz
we duýgudaşlygyňyz bar bolsa, 2 me-
niň begenjimiň üstüni ýetiriň: pikirdeş
boluň, biri-biriňizi söýüň, ruhuňyz we
maksadyňyz bir bolsun. 3 Öz şahsy islegi-
ňizden ýa-da şöhratparazlykdan hereket
etmäň. Tersine, başgalary özüňizden
üstün saýyp, pespäl boluň. 4 Her kes
diňe öz bähbidini däl, eýsem başgalaryň
bähbidini hem arasyn.

5 Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem
bolsun: 6 Isa Mesih Hudaýyň tebigatyna
eýe bolsa-da, ony Özüne dereje saýma-
dy, ondan mäkäm ýapyşmady. 7 Gaýtam,
bir gul kimin bolup, ynsan keşbinde bu
dünýä indi, Ol Özüni asla hiç etdi. Ol
ynsan sypatyna girip, 8 ölüme, hatda
haçdaky ölüme-de tabyn boldy, Özüni
peseltdi. 9 Şoňa görä Hudaý Ony juda
beýgeltdi: Oňa ähli atdan üstün bir ady
berdi. 10 Göklerdäki, ýerdäki, ýer astyn-
daky her kes Isanyň ady agzalanda dyz
eper, 11 Ata Hudaýyň şan-şöhraty üçin,
her dil Isa Mesihiň Rebdigini ykrar eder.

### *Ýyldyzlar deý parlamak*

12 Eý, ezizlerim, men ýanyňyzdakam,
siz Hudaýyň sözüne gulak asýardyňyz.
Emma meniň ýoklugymda gulak as-
magyňyz has-da möhümdir. Hudaýyň
huzurynda gorka we galpylda gaplanyp,
halas bolmak üçin ýagşy işleri amal ediň.
13 Çünki Hudaý Öz göwnünden turýan
işleri etmek üçin size gujur-gaýrat berip,
sizdäki işini amal edýär.

14 Her bir zady hüňürdemän, zeýren-
män berjaý ediň. 15 Şonda siz egri we
azgyn nesliň arasynda edil älemdä-
ki ýyldyzlar dek parlaýan, Hudaýyň
aýypsyz, päk we müýnsüz çagalary
bolarsyňyz. 16 Ýaşaýyş berýän Hoş Ha-
bary gaýym tutuň. Şonda men biderek
ýere yhlas etmändigim, azabymyň puja

çykmandygy babatda Mesihiň geljek
gününde magtanyp bilerin. 17 Siziň Reb-
be edýän imanyňyz we hyzmatyňyz
Oňa bagyş edilen gurbanlyk kimindir.
Eger-de meniň şindi çekýän jebirlerim
bu gurbanlyga goşulsa, men şatdyryn.
Men hemmäňiziň şatlygyňyza şärikdirin.
18 Şoňa görä, siz hem şatlanyp, meniň
şatlygyma şärik boluň.

### *Timoteos we Epafrodit*

19 Rebbimiz Isa ýol berse, ýagdaýla-
ryňyzy bilip ynjalmak üçin, tiz wagtda
ýanyňyza Timoteosy ibererin diýip umyt
edýärin. 20 Timoteos hem edil men ýaly
siz babatda şeýle yhlasly, şeýle janypkeş.
Ondan başga ibermäge şeýle adamym-da
ýok. 21 Sebäbi köp adamlar Isa Mesihiň
däl-de, öz bähbidini araýar ahyryn.
22 Emma Timoteosyň sadyklygy size
mälimdir. Ol maňa Hoş Habary wagyz
etmekde edil ogluň öz atasyna hyzmat
edişi ýaly hyzmat etdi. 23 Şonuň üçin-de,
men ýagdaýymyň nähili boljagyny bilen
badyma, ony siziň ýanyňyza ibererin
diýip umyt edýärin. 24 Meniň tiz wagt-
da ýanyňyza barjakdygym babatda Reb
meni ynandyrýar.

25 Siz mätäçligimde men barada alada
etmek üçin ilçiňiz Epafroditi ýanyma
iberipdiňiz. Emma men ony, ýagny öz
işdeşimi, söweşdeşimi we doganymy
yzyna, siziň ýanyňyza ibermegi makul
bildim. 26 Ol siziň ähliňizi örän göresi
geldi. Onuň hassalygy barada eşidendi-
giňizi bilende bolsa, gaty gaýgylandy.
27 Dogrudan-da, ol ölüm halynda bolup,
tas ölüpdi. Emma Hudaý oňa, diňe oňa
däl, eýsem hasrat üstüne hasrat çekme-
zim ýaly, maňa hem rehim etdi. 28 Şoňa
görä-de, siz Epafroditi görüp, gaýtadan
begenersiňiz, meniň-de gaýgy-hasratym
ýeňlär diýip, ony ýanyňyza örän iberesim
geldi. 29 Ony Rebdäki doganyňyz hök-
münde uly şatlyk bilen garşylaň. Onuň
ýaly adamlary hormatlaň. 30 Çünki ol
siziň maňa edip bilmedik hyzmatyňy-
zyň öwezini dolmak üçin, janyny howp
astyna salyp, Mesihiň işiniň ugrunda
tas ölüpdi.

## 3-nji bap

### *Sünnetlenmä däl-de, imana daýanýan dogrulyk*

1 Şunlukda, eý, doganlarym, goý, şat-
lygyňyzyň gözbaşy Reb bolsun!

Size şindi ýazýanymy gaýta-gaýta
ýazmak maňa kyn däl. Bu sizi goramak
üçindir: 2 şol «itlerden», şol betkärlerden,
şol pürçük «çapyjylardan» seresap boluň.
3 Biz Mukaddes Ruh arkaly Hudaýa yba-
dat edip, Isa Mesih bilen magtanýarys,
ynsan güýjüne daýanmaýarys. Şoňa
görä-de, hakyky sünnetliler bizdiris!
4 Eger ynsan güýjüne daýanmaly bolsa,
onda bu babatda meniň doly tutarygym
bardyr.

Eger ýene kimdir biri tene daýan-
maga tutarygy bardyr öýtse, meniňki
ondan-da köpdür. 5 Men dünýä inenim-
den sekizlenji günde sünnet edilendirin.
Men ysraýyl halkynyň benýamin tire-
sinden bolup, ýewreýleriň ýewreýidirin.
Ýahudylaryň Kanunyny berjaý etmek
babatda hem fariseýdirin. 6 Din ugrunda-
ky yhlas diýseňiz, imanlylar ýygnagyna
azar berdim. Mukaddes Kanuna daýan-
ýan dogrulyk diýseňiz, aýypsyzdym.

7 Emma öň bähbitli saýan zatlarymy in-
di Mesihiň hatyrasyna biderek saýýaryn.
8-9 Hawa, men Rebbim Isa Mesihi tana-
magyň ajaýyp belentliginiň hatyrasyna
ähli zady biderek saýýaryn. Men Onuň
hatyrasyna ähli zatdan geçip, bularyň
baryny çöp-çör saýýaryn. Men Mesihi

gazanasym we Onuň bilen mäkäm birigesim gelýär. Men Mukaddes Kanuna daýanýan öz dogrulygyma däl, eýsem Mesihe bolan imana daýanýan, iman arkaly Hudaýdan bolan dogrulyga eýe bolasym gelýär.
[10-11]Men Isa Mesihiň Özüni, Onuň direlişiniň güýjüni bilesim gelýär. Isa Mesihiň jebir-jepalaryna şärik bolup, Oňa Onuň ölüminde meňzäp, ölümden direlişe ýetesim gelýär.

### *Maksada ymtylmak*

[12]Şunlukda, men bularyň baryna ýetendirin ýa-da kämilleşendirin öýdemok. Emma men bulary gazanmak üçin jan edýärin. Sebäbi Isa Mesih meni şu maksat bilen gazandy.
[13]Eý, doganlar! Men bulary gazanandyryn öýdemok. Emma ýeke-täk şuny welin edýändirin: yzda galan zatlary unudyp, öňdäkilere ýetmäge ymtylýaryn.
[14]Men Hudaýyň Isa Mesih arkaly göklerdäki ýaşaýşa çagyrýan baýragyny almak üçin, maksadyma tarap ylgaýaryn.

[15]Şoňa görä-de, imanda kämil bolanlarymyzyň bary, goý, şu nukdaýnazardan pikir etsin. Eger haýsydyr bir zat babatda başga pikirde bolsaňyz, onda Hudaý size muny hem aýdyňlaşdyrar.
[16]Biz saýlan ýolumyz bilen öňe tarap gitmeli[a].

[17]Eý, doganlar! Meniň göreldäme eýerýänlere goşulyň. Biziň göreldämize görä ýaşaýanlara üns berip, olardan öwreniň.
[18]Men ozal muny size gaýta-gaýta aýdypdym. Indi bolsa aglap, ýene aýdýaryn: Mesihiň haçyna duşman bolup ýaşaýanlar köpdür.
[19]Olaryň soňy weýrançylykdyr, olaryň gara garynlary hudaýlarydyr, olar öz masgaralygyna buýsanýandyrlar. Olar diňe bu dünýäniň zatlary barada oýlanýandyrlar.
[20]Biz bolsa gökleriň raýatlary bolup, Halasgär Rebbimiz Isa Mesihiň şol ýerden gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýandyrys.
[21]Sebäbi Isa Mesih biziň ejiz we ähmiýetsiz bedenlerimizi özgerdip, Öz şöhratly bedenine meňzeder. Ol muny her zady Özüne tabyn etmegi başarýan güýji arkaly amala aşyrar.

## 4-nji bap

### *Öwütler*

[1]Şunlukda, eý, söýgüli doganlarym, Rebbiň hatyrasyna berk duruň! Men gara gözüňize zardyryn. Ezizlerim, siz meniň şatlygym we başymyň täjisiňiz.

[2]Men Ewodiýa-da, Sintihä-de ýalbarýaryn: Rebbiň hatyrasyna ylalaşykly boluň.
[3]Eý, meniň sadyk ýoldaşym, saňa-da ýalbarýaryn: bu aýallara kömek et. Olar men, Klement we ýaşaýyş kitabyna atlary ýazylan beýleki işdeşlerim bilen birlikde Hoş Habary ýaýratmakda tutanýerli işlediler.

[4]Rebde şatlanyň. Ýene-de gaýtalaýaryn: şatlanyň!
[5]Goý, ýumşaklygyňyz hemmelere belli bolsun. Reb ýakyndyr.
[6]Hiç zady gaýgy etmäň. Gaýtam, Hudaýa şükür edip, her bir ýagdaýdaky ähli mätäçlikleriňizi Oňa doga-dileglerde aýdyň.
[7]Şonda Hudaýyň parahatlygy ýürekleriňizi we pikirleriňizi Isa Mesih arkaly gorar. Bu parahatlyk ynsan düşünerden juda belentdir.

[8]Umuman, eý, doganlar, hakyky, hormata mynasyp, dogry, päk, ýakymly, ajaýyp näme bar bolsa, şol barada oýlanyň. Hawa, ýagşy we öwgä mynasyp zatlar barada oýlanyň.
[9]Menden öwrenen,

---

[a] **3:16** Käbir golýazmalarda 16-njy aýat şeýle görnüşde gelýär: *Ýöne nämä ýeten bolsak, şol düzgüne görä ýaşalyň, şoňa laýyklykda pikir edeliň.*

kabul eden, eşiden we gören zatlaryňy-
zy amal ediň. Şonda parahatlyk berýän
Hudaý siziň bilen bolar.

### *Peşgeşler üçin minnetdarlyk*

10 Ahyrsoňy men barada ýene-de alada
edip başlanyňyza Rebde örän şatlandym.
Siz ozal hem alada edýärdiňiz, ýöne
muny görkezmäge mümkinçiligiňiz
ýokdy. 11 Men muny nämedir bir zada
mätäç bolanym üçin aýtmaýaryn. Sebäbi
her ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy
öwrenendirin. 12 Men mätäçligiň-de, bo-
lelinligiň-de nämedigini bilýärin. Men
doklukda ýa açlykda, bolelinlikde ýa
mätäçlikde ýaşasam-da, garaz, her ýag-
daýda we her halda kanagatly bolmagyň
tärini öwrendim. 13 Maňa kuwwat berýän
Isa Mesih arkaly ähli zady başarýaryn.

14 Her nähili bolsa-da, meniň muşak-
gatlaryma şärik bolup, gowy etdiňiz.
15 Eý, filipililer! Men Makedoniýadan
çykyp gaýdyp, Hoş Habary ilki-ilkiler
wagyz edip başlan döwrümde siziň
ýygnagyňyzdan başga ýygnak maňa
maddy kömegini beren däldir. Muny
siziň özüňiz-de bilýänsiňiz. 16 Siz hatda
Saloniki şäherinde mätäçlik çeken döw-
rümde-de maňa gaýta-gaýta kömegiňizi
ýetiripdiňiz. 17 Men muny peşgeşleriňize
hantama bolanym üçin aýtmaýaryn. Men
siziň bähbidiňiziň artmagyny isleýärin.
18 Meniň hemme zadym bar, artygy bilen
bar. Epafrodit siziň iberen peşgeşleriňizi
getireli bäri, kem zadym galmady. Bular
hoşboý ysly gurbanlyk kimin Hudaýyň
halaýan gurbanydyr. 19 Şöhratly Huda-
ýym Öz baýlygy bilen siziň, ýagny Isa
Mesihe degişli bolanlaryň ähli mätäç-
likleriniň öwezini dolar [a].

20 Atamyz Hudaýa ebedi we baky şöh-
rat bolsun! Omyn.

### *Salamlar*

21 Isa Mesih arkaly Hudaýyň halkyna
degişli bolanlaryň baryna salam aýdyň.
Meniň ýanymdaky doganlar size salam
aýdýarlar. 22 Hudaýyň halkynyň ählisi,
ylaýta-da imperatora hyzmat edýänler
size salam aýdýarlar. 23 Rebbimiz Isa
Mesihiň merhemeti, goý, size ýar bol-
sun! Omyn.

[a] **4:19** ***Dolar*** – käbir golýazmalarda *dolsun.*

# Pawlusyň kolosiýalylara haty

## Giriş

Kolosiýa şäheri Rim imperiýasynyň Aziýa welaýatynyň günbatar böleginde ýerleşýärdi. Aziýa welaýaty häzirki Türkiýäniň käbir ýerlerini öz içine alýardy.

Pawlus Kolosiýa şäherine hiç haçan baryp görmese-de, ol ýerdäki mesihileriň güýçli imanlary barada eşidip begenýärdi (1:3-7; 2:6,7). Kolosiýalylar Hoş Habary şol şäherde ýaşaýan Epafra atly adamdan eşidipdiler (1:7; 4:12,13). Ol şu hatyň ýazylan döwründe (1:14; 4:3,10,18) Pawlus bilen tussaglykda bolupdy (Flm 23-nji aýat).

Kolosiýadaky ýygnagyň köp agzalary grekler ýa-da şol döwürde Aziýa welaýatynyň çäklerinde ýaşan etnik toparlaryň wekilleridi (1:27). Bu agzalaryň käbirleri geň-taň dini urp-adatlaryna eýerýärdiler. Olar Hudaýa doly tabyn bolmak üçin käbir beden höweslerinden özlerini bütinleý mahrum etmeli, perişdelere we gökdäki güýçlere sežde etmeli diýip pikir edýärdiler. Pawlus olara Isa Mesihiň Hudaý bilen gökdedigini, älemiň ähli ygtyýarlyklaryna Öz hökümini ýöredýändigini mälim edýär (3:1). Şonuň üçin-de, resul öz hatynda olara diňe Isa Mesihe sežde etmegi ündäp, şeýle diýýär: *«Mesih görünmeýän Hudaýyň keşbidir, bütin ýaradylyşyň ilkinji doglany Oldur... Çünki Hudaý doly kamilliginiň Isada ornaşmagyny makul bildi. Mesihiň haçda döken gany arkaly parahatçylygy berkarar edip, Hudaý ýerdäki we gökdäki ähli zady Özi bilen ýaraşdyrmagy makul bildi»* (1:15,19,20).

### *Mazmuny*


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-2*
Şükür doga-dilegleri ........ *1:3-8*
Isa Mesihiň şahsyýeti we işi ........ *1:9–2:19*
Isa Mesihiň berýän täze durmuşynda ýaşamak ........ *2:20–4:6*
Soňky salamlar ........ *4:7-18*


---

### 1-nji bap

1-2 Hudaýyň yradasy bilen Isa Me-
sihiň resuly bolan men Pawlusdan we
doganymyz Timoteosdan Kolosiýadaky
Hudaýyň halkyna, ýagny Mesihe degiş-
li bolan sadyk doganlarymyza dogaýy
salam!

Atamyz Hudaýyň [a] merhemeti, parahatlygy, goý, size ýar bolsun!

### *Pawlus Hudaýa şükür edýär*

3 Biz siziň üçin doga-dileg edip, elmydama Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa şükürler edýäris, 4 sebäbi biz siziň Isa Mesihe bolan imanyňyz we Hudaýyň ähli halkyna görkezen söýgiňiz hakynda eşitdik. 5 Bu imanyňyz we söýgiňiz umydyňyzdan, hawa, gökde size garaşýan zatlara baglaýan umydyňyzdan döreýär. Siz özüňize gelip gowşan hakykat sözi bolan Hoş Habarda bu umyt barada öň eşidensiňiz. 6 Hudaýyň Hoş Habary bütin dünýä ýaýrap, miwe berip gelýär. Hudaýyň merhemetiniň hakyky manysyna göz ýetiren günüňizden bäri, bu Hoş Habar siziň araňyzda hem şeýle hereket edýär. 7 Siz bu Hoş Habary söýgüli işdeşimiz Epafradan öwrendiňiz. Ol siziň ugruňyzda Mesihiň sadyk hyzmatkäridir. 8 Siziň Mukaddes Ruhdan alýan söýgiňiz barada hem bize ol gürrüň berdi.

9 Muny eşiden günümizden bäri, biz hem siziň üçin doga-dileglerimiziň yzyny üzemzok. Hudaýyň islegini doly bilmegiňiz üçin, Onuň sizi ähli ruhy akyldarlyk we düşünje bilen doldurmagyny dileýäris. 10 Şeýle hem Rebbe mynasyp durmuşda ýaşap, Ony her babatda hoşal etmegiňiz üçin dileg edýäris. Goý, siziň ähli oňat işleriňiz miwe bersin. Goý, Hudaý Ony tanamakda sizi has-da ösdürsin. 11 Goý, Ol sizi beýik gudraty bilen kuwwatlandyrsyn; siziň sabyr-takatly bolup, ähli zada döz gelmegiňiz üçin güýç-kuwwat bersin. 12 Nurdaky Öz halkynyň mirasyna şärik bolmaga sizi doly mynasyp eden Ata Hudaýa şatlanyp şükür ediň. 13 Ol bizi garaňkylygyň ygtyýaryndan boşadyp, Öz söýgüli Oglunyň Şalygyna getirdi; 14 Ogly arkaly [b] günälerimizi bagyşlap, bizi azatlyga çykardy.

### *Mesihiň ygtyýarlygy*

15 Mesih görünmeýän Hudaýyň keşbidir, bütin ýaradylyşyň ilkinji doglany Oldur. 16 Çünki ähli zatlar Ol arkaly ýaradylandyr. Gökdäki we ýerdäki, görünýän hem görünmeýän zatlary: tagtlardyr häkimiýetleri, hökümdarlary we erk-ygtyýarlylary – baryny Ol ýaratdy. Hemme zat Ol arkaly we Onuň üçin ýaradyldy. 17 Ähli zatdan öň bar bolan Oldur, ähli zatlar Ol arkaly mäkäm durandyr. 18 Bedeniň, ýagny imanlylar ýygnagynyň başy Oldur. Ähli zatda ilkinji orny alsyn diýip, başlangyç-da, ilkinji bolup ölümden direlen-de Oldur. 19 Çünki Hudaý doly kämilliginiň Isada ornaşmagyny makul bildi. 20 Mesihiň haçda döken gany arkaly parahatçylygy berkarar edip, Hudaý ýerdäki we gökdäki ähli zady Özi bilen ýaraşdyrmagy makul bildi. 21 Siz birwagtlar eden pis işleriňiz sebäpli pikiriňizde Hudaýdan üzňediňiz, Oňa duşmandyňyz. 22 Indi bolsa Hudaý sizi Öz huzurynda mukaddes, müýnsüz hem aýypsyz etmek üçin, Mesihiň bedeniniň ölümi arkaly Özi bilen ýaraşdyrdy. 23 Elbetde, siz eşiden Hoş Habaryňyzyň beren umydynda sarsman, imanda kök urup, berk durmalysyňyz. Bu Hoş Habar ýer ýüzündäki her bir ynsana yglan edildi. Men Pawlus bu Hoş Habaryň hyzmatçysy boldum.

### *Pawlusyň imanlylara hyzmaty*

24 Men siziň ugruňyzda görýän görgülerime begenýärin. Şeýle-de men Isa

---

[a] **1:1-2** Käbir golýazmalarda *Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz Isa Mesihiň.*

[b] **1:14** ***Ogly arkaly*** – käbir golýazmalarda *Ogluň döken gany arkaly.*

Mesihiň Öz bedeni, ýagny imanlylar
ýygnagynyň hatyrasyna çeken ejirleri-
niň öz bedenimde dowam edýändiginden
hoşaldyryn. 25-26 Siziň bähbidiňiz üçin
Hudaýyň maňa beren tabşyrygyna görä,
men bu imanlylar ýygnagynyň hyzmatkä-
ri boldum. Bu tabşyryk Hudaýyň sözüni,
ýagny geçen asyrlardan we nesillerden
gizlin saklanan, emma indi Onuň halky-
na aýan edilen syry doly äşgär etmekden
ybaratdyr. 27 Hudaý bu syryň şöhratly baý-
lygyny milletleriň arasynda Öz halkyna
bildirmek isledi. Bu syr size şöhrata go-
wuşmak umydyny berip, araňyzda bolýan
Isa Mesihdir. 28 Şeýlelikde, biz hemmelere
Mesih hakda wagyz edýäris. Olary Me-
sihiň bedeniniň kämil agzasy hökmünde
hödürlär ýaly, her bir ynsana öwüt-ündew
edip, uly akyldarlyk bilen taglym berýäris.
29 Şu maksat bilen janymy aýaman zähmet
çekýärin, Mesihiň özüme täsir edýän
gudratly güýjüne daýanýaryn.

## 2-nji bap

1 Men siziň üçin we Laodikiýadaky
imanlylaryň, şeýle-de meni tanamaýanla-
ryň ählisi üçin nähili gaýduwsyz zähmet
çekýändigimi bilmegiňizi isleýärin. 2 Men
olaryň kalbynyň ruhlanyp, söýgüde bir-
leşmeklerini dileýärin. Şeýdip, olar doly
ynama hem baý düşünjä eýe bolup, Ata
Hudaýyň syryny, ýagny Mesihi tanasyn-
lar. 3 Çünki akyldarlygyň hem bilimiň ähli
hazynasy Mesihde gizlenendir. 4 Muny
hiç kim sizi süýji sözler bilen aldamasyn
diýip aýdýaryn. 5 Sebäbi men araňyzda
bolmasam-da, ýüregimde siziň bilendi-
rin. Siziň tertip-düzgünlidigiňizi, Mesihe
bolan berk imanyňyzy görüp şatlanýaryn.

### *Mesihiň berýän täze durmuşy*

6 Şeýlelikde, Isa Mesihi Rebbiňiz
hökmünde kabul edişiňiz ýaly, Onuň
görkezen ýoly bilen ýöräň. 7 Alkyşlar
bilen dolup-daşyp, Mesihde kök uruň
we bina ediliň, özüňize öwredilişi ýaly,
imanda berk duruň. 8 Hüşgär boluň! Hiç
kim sizi boş hem ýalan pelsepeler bilen
ýesir edäýmesin, sebäbi beýle gepler
Mesihe däl-de, ynsan däp-dessurlaryna
we pany dünýäniň ýörelgelerine esaslan-
ýandyr. 9 Çünki Hudaýyň doly kämilligi
bir beden kimin Mesihde ýaşaýar. 10 Siz
hem her bir güýjüň we ygtyýarlygyň
başy bolan Mesih arkaly bitewülige go-
wuşdyňyz. 11 Siz Onuň bilen birleşmek
arkaly sünnet hem edildiňiz. Bu beden
sünneti däl-de, Mesih arkaly edilen sün-
net bolup, günäli tebigatyňyzyň kesilip
taşlanmagydyr. 12 Siz çümdüriliş arkaly
Mesih bilen bile jaýlandyňyz we Ony
ölümden direlden Hudaýyň gudratyna
iman edip, Mesih bilen birlikde direldiňiz.
13 Owal siz sünnetsiz bolan öňki tebigaty-
ňyzda günäleriňiz zerarly ölüdiňiz. Indi
bolsa Hudaý ähli günäleriňizi bagyşlap,
sizi Mesih bilen bile direltdi. 14 Ol bize
garşy ýazylan bergidarlyk ýazgysyny
öçürdi, ony haça çüýläp, aradan aýyrdy.
15 Hudaý ruhy güýçleriň we ygtyýarlyk-
laryň elinden ýaragyny aldy we olary
Isa Mesih arkaly ýeňip, açykdan-açyk
paş etdi. 16 Şonuň üçin hem hiç kim size
azyk-owkat, dini baýram, Täze Aý ýa-da
Sabat güni hakda höküm çykarmasyn.
17 Bular geljekki zatlaryň kölegesidi, em-
ma hakykat Mesihiň Özüdir. 18 Ýalandan
pespälsireýän we perişdelere sežde edýän
adam sizi Hudaýyň sylagyndan mahrum
etmesin. Şeýle adam gören görnüşlerine
magtanýandyr, emma bu boş ýere paň-
karýan ynsan pikir ýöretmesidir. 19 Şeýdip,
ol adam bedeniň Başy bolan Mesih bi-
len baglanyşygyny ýitirendir. Bu beden
bolsa Mesihiň ýolbaşçylygy astynda her
bir bognuň kömegi bilen birigip, Başdan

iýmitlenýär we Hudaýyň islegine görä
ösýär. [20-21] Siz Mesih bilen ölüp, bu pany
dünýäniň ýörelgelerinden azat boldu-
ňyz. Onda näme üçin henizem bu dünýä
degişli ýaly, «Muňa galtaşma», «Muny
iýme», «Muňa el degirme» diýen ynsan
kadalaryna eýerýärsiňiz? [22] Bu düzgün-
leriň hemmesi ulanyldygyça ýok bolup
gider, sebäbi olar ynsan buýruklaryna
we taglymatlaryna esaslanýandyr. [23] El-
betde, bu urp-adatlar galp dindarlykda,
pespälsirän bolmakda, bedene ezýet
çekdirmekde akyldarlyk ýaly görünýän-
dir, emma bularyň ynsanyň pis niýetiniň
öňüni almakda hiç bir peýdasy ýokdur.

## 3-nji bap

### *Mukaddes ýaşaýyş*

[1] Şeýlelikde, Mesih bilen direlendigi-
ňize görä, göklerdäki zatlary agtaryň.
Mesih gökde Hudaýyň sagynda oturan-
dyr. [2] Pikiriňizi dünýewi zatlara däl-de,
gökdäki zatlara gönükdiriň. [3] Çünki siz
ölensiňiz, durmuşyňyz bolsa Mesih bilen
bile Hudaýda gizlenendir. [4] Mesih siziň
durmuşyňyzdyr. Ol aýan bolanda, siz hem
Onuň bilen bile şöhratda aýan bolarsyňyz.
[5] Şonuň üçin hem dünýewi tebigatyňyza
mahsus bolan azgynlygy, ahlaksyz-
lygy, haram keýpi, pis höwesleri we
butparazlyk bilen deň hasaplanýan
açgözlügi öldüriň. [6] Ine, hut şu zatlar
üçin Hudaýyň gahar-gazaby inýändir [a].
[7] Siz hem birwagtlar bularyň arasynda
ýaşanyňyzda şeýle edipdiňiz. [8] Indi bolsa
gahar-gazaby, ýamanlyklaryň hemmesini
özüňizden aýryp taşlaň. Agzyňyzdan
hiç bir töhmet we paýyş sözler çyk-
masyn. [9] Biri-biriňize ýalan sözlemäň,
sebäbi siz köne ýaradylyşyňyzy köne
urp-adatlary bilen birlikde çykaryp
zyňdyňyz. [10] Indi Ýaradanyň keşbine
meňzemekde we Ony tanamakda täze
ýaradylyşa besleniň. [11] Bu ýaradylyşda
ýahudy däl bilen ýahudynyň, sünnetli
bilen sünnetsiziň, nadan bilen medeni-
ýetsiziň, gul bilen azadyň arasynda hiç
bir parh ýokdur, emma Mesih hemme
zatdyr, hemme zatdadyr. [12] Şonuň üçin
hem, eý, Hudaýyň saýlan mukaddes
hem eziz halky! Rehim-şepagata, mäh-
ribanlyga, pespällige, ýumşaklyga we
sabyr-takatlylyga besleniň. [13] Biri-biri-
ňize sabyrlylyk bilen çydaň. Araňyzda
öýke-kine bar bolsa, biri-biriňizi ba-
gyşlaň. Rebbiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz
hem bagyşlaň. [14] Bularyň hemmesiniň
üstesine-de kämil birligi baglanyşdyrýan
söýgä besleniň. [15] Kalbyňyzda Mesihiň
parahatlygy höküm sürsün. Çünki siz
bir bedeniň agzalary bolup, bu parahat-
çylyga çagyrylansyňyz. Hemişe şükürli
boluň. [16] Goý, Mesihiň sözi kalbyňyzyň
töründe ornaşsyn. Bütin akyldarlyk bi-
len biri-biriňize tälim we öwüt-nesihat
beriň. Mezmurlar, öwgi aýdymlar, ru-
hy nagmalar aýdyp, Hudaýa ýürekden
minnetdarlyk bildiriň. [17] Näme etseňiz
hem, aýtsaňyz hem, hemmesini Rebbi-
miz Isanyň ady bilen ýerine ýetiriň, Ol
arkaly Ata Hudaýa şükür ediň.

### *Mesihi maşgalalar üçin düzgünler*

[18] Eý, aýallar, äriňize tabyn boluň, çünki
şeýle etmek Rebbe degişli adamlara ýa-
raşýandyr. [19] Eý, ärler, aýalyňyzy söýüň,
olara ýowuz daramaň. [20] Eý, çagalar, ähli
işde ene-ataňyzyň sözüne gulak asyň,
sebäbi bu Rebbi hoşnut edýär. [21] Eý, atalar,
çagalaryňyzy ynjatmaň, ýogsam, olar
ruhdan düşerler. [22] Eý, gullar, ähli zatda

[a] **3:6** ***Inýändir*** – käbir golýazmalarda *Onuň sözüne gulak asmaýanlaryň üstüne inýändir.*

ýerdäki hojaýynyňyza boýun egiň. Muny ynsanlara gowy görünmek üçin, göze ýakymly işler bilen däl-de, Rebden gorkmak bilen çyn ýürekden ýerine ýetiriň.
[23]Näme etseňiz, ynsanlar üçin däl-de, Reb üçin edýän ýaly, çyn ýürekden ýerine ýetiriň. [24]Munuň üçin Rebden miras sylagyny aljagyňyzy bilýänsiňiz. Siz Reb Mesihe gulluk edýänsiňiz. [25]Kim ýamanlyk etse, öz eden ýamanlygynyň almytyny alar, Reb hiç kime tarapgöýlik edýän däldir.

### 4-nji bap

[1]Eý, hojaýynlar, gullaryňyz babatda adyllygy, deňligi berjaý ediň, sebäbi özüňiziň hem gökde Hojaýynyňyzyň bardygyny bilýänsiňiz.

#### *Dürli öwütler*

[2]Yhlas bilen hemişe Hudaýa doga okaň, doga-dilegde şükür edip, hüşgär boluň.
[3]Biziň üçin hem dileg ediň: Hudaýyň sözüni ýaýradyp, Mesih baradaky syry aýan eder ýaly, Onuň Özi bize gapy açyp bersin. Ine, şonuň üçinem men tussaglykdadyryn.
[4]Bu syry bolmalysy ýaly aýdyň beýan etmegim üçin dileg ediň. [5]Mesihi däller bilenem wagtyňyzy peýdaly geçiriň, pursady elden bermäň. [6]Her kime nähili jogap bermelidigiňizi biler ýaly, sözüňiz hemişe ýakymly we mazmunly bolsun.

#### *Pawlusyň soňky tabşyryklary we salamlar*

[7]Rebbiň sadyk hyzmatkäri bolan söýgüli işdeşimiz hem doganymyz Tihik men hakda size ähli zady habar berer.
[8]Ýagdaýymyz barada habar bermek we sizi ruhlandyrmak üçin men ony siziň ýanyňyza iberdim. [9]Onuň bilen bile ýanyňyza öz şäheriňizden bolan, sadyk we söýgüli doganymyz Onesim-de barar. Olar size bu ýerde bolup geçýän ähli wakalary gürrüň bererler. [10]Meniň bilen tussaglykda bolýan ýoldaşym Aristarh bilen Barnabyň ýegeni Mark hem size salam ýollaýar. Mark baradaky buýruklary alansyňyz. Ýanyňyza barsa, ony kabul ediň. [11]Ýustus lakamly Ýeşuwa hem size salam aýdýar. Hudaýyň Şalygy ugrunda zähmet çekýän ýahudy işdeşlerim diňe şulardyr. Olar maňa teselli berip gelýärler.
[12]Öz şäheriňizden bolan, Isa Mesihiň guly Epafra hem size salam ýollaýar. Hudaýyň her bir islegini doly bilmegiňiz we imanda berk durup, kämil bolmagyňyz üçin, Epafra yhlas bilen hemişe Rebbe dileg edýär. [13]Onuň siziň üçin, şeýle-de Laodikiýadaky we Iýerapolisdäki imanlylar üçin arman-ýadaman zähmet çekýändigine men şaýatdyryn. [14]Söýgüli dostumyz lukman Luka bilen Dema hem size salam ýollaýar. [15]Laodikiýadaky doganlara, Nimfa uýamyza we onuň öýündäki imanlylar ýygnagyna salam aýdyň. [16]Şu hat araňyzda okalandan soň, ony Laodikiýadaky imanlylar ýygnagynda hem okadyň. Siz hem Laodikiýadan gelen haty okaň.
[17]Arhipa: «Rebbiň tabşyran hyzmatyny ahyryna çenli doly bitirjekdigiňe ynamly bol» diýip aýdyň. [18]*Men Pawlus bu salamy öz elim bilen ýazýaryn.* Meniň tussaglykdadygymy ýatdan çykarmaň. Hudaýyň merhemeti size ýar bolsun! [a]

[a] **4:18** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Pawlusyň salonikililere birinji haty

## Giriş

Gresiýanyň demirgazygynda ýerleşýän Saloniki şäheri Pawlusyň döwründe örän uly we wajyp şäherleriň biridi. Ol esasy söwda ýolunyň ugrunda ýerleşýärdi. Şäher ilatynyň aglaba bölegi grekler bolsa-da, onda dürli etnik toparlaryň wekilleri hem ýaşaýardy. Olar şol döwürde dürli butlara sežde edýärdiler.

Pawlus Salonikide Isa Mesih baradaky Hoş Habary wagyz edip, ýygnagyň düýbüni tutýar, eklenmek üçin agyr zähmet çekýär. Onuň şu haty imanlylar ýygnagyna ýazylan hatlaryň ilkinjisi, hatda Täze Ähtiň ilkinji haty bolmagy hem mümkin diýip hasaplanylýar.

Salonikidäki käbir adamlar Pawlusa garşy çykansoňlar, ol Afiny şäherine gitmäge mejbur bolýar. Ýöne ol Salonikide galan mesihileriň ýagdaýyny bilmek üçin, öz dosty Timoteosy olaryň ýanyna iberýär. Timoteosyň salonikilileriň imany we söýgüsi baradaky habarlary Pawlusy örän begendirýär. Emma ol ýygnakda käbir kynçylyklaryň bardygy barada hem eşidýär. Ýygnagyň käbir agzalary Reb Isa tiz wagtda geler diýen pikire eýerip, zähmet çekmeklerini bütinleý bes eden ekenler (4:11,12). Başgalary bolsa öz käbir dostlarynyň we dogangaryndaşlarynyň Reb Isa gelmänkä aradan çykandyklary üçin örän gaýgylanypdyrlar. Şonuň üçin-de, Pawlus öz hatynda Reb Isa gelende nämeleriň boljakdygyny we şol güne çenli nähili ýaşamalydygyny olara aýdyň düşündirmäge çalyşýar. Pawlusyň şu öwütlerini ýatda saklamak örän wajypdyr: *«Hemişe şatlanyň. Dyngysyz doga-dileg ediň. Her ýagdaýa şükür ediň. Hawa, Isa Mesihe degişli bolan siz babatda Hudaýyň islegi şulardyr»* (5:16-18).

### *Mazmuny*


Salamlar we doga-dilegler ... *1:1-3*
Salonikilileriň imany we göreldesi ... *1:4–3:13*
Hudaýy hoşnut etmek ... *4:1-12*
Isanyň gaýdyp gelmegi ... *4:13–5:11*
Soňky öwütler we salamlar ... *5:12-28*

## 1-nji bap

1 Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz Isa
Mesihiň Salonikidäki imanlylar ýygna-
gyna Pawlus, Silwan [a] we Timoteosdan
dogaýy salam! Goý, merhemet bilen
parahatlyk size ýar bolsun!

### *Pawlus Salonikidäki imanlylar üçin Hudaýa şükürler edýär*

2 Biz sizi doga-dileglerimizde ýatlap,
elmydama ähliňiz üçin Hudaýa şükürler
edýäris, 3 sebäbi imanyňyz ýagşy işleri,
söýgiňiz janypkeşligi, Rebbimiz Isa Me-
sihe bolan umydyňyz çydamlylygy hasyl
berýär. Biz Atamyz Hudaýyň huzurynda
bularyň baryny dyngysyz ýatlaýarys.
4-5 Eý, doganlar! Biziň ýaýradýan Hoş
Habarymyz size diňe söz bilen däl, eý-
sem Mukaddes Ruhuň güýji we berk
ynam bilen gowuşdy. Şonda biz Hudaýyň
sizi söýüp, saýlandygyna göz ýetirdik.
Biz siziň araňyzda bolanymyzda nähili
ýaşandygymyzy özüňiz-de bilýänsiňiz.
6 Siz agyr muşakgatlar çekseňiz-de, Mu-
kaddes Ruhuň beren şatlygy bilen Hoş
Habary kabul edip, biziň we Rebbiň
göreldesine eýerdiňiz. 7 Şeýdip, Make-
doniýa bilen Ahaýadaky imanlylaryň
ählisine görelde bolduňyz. 8 Rebbiň Hoş
Habary sizden ähli ýere, hatda Makedo-
niýa bilen Ahaýadan uzak ýerlere hem
ýaň saldy. Siziň Hudaýa bolan imany-
ňyz baradaky gürrüň ähli ýere ýaýrady.
Bize ol barada aýdara-da zat galmady.
9-10 Gaýtam, olaryň özleri siziň bizi kabul
edişiňiz barada gürrüň berýärler. Şeýle-
de siziň butlardan ýüz öwrüp, Hudaýa
tarap öwrülendigiňizi aýdyp berýärler.
Siz indi hakyky, diri Hudaýa gulluk
edýärsiňiz we Onuň ölümden direlden
Ogly Isanyň göklerden gelmegine ga-
raşýarsyňyz. Isa Mesih biziň ählimizi
gelejekdäki gazapdan halas edýändir.

## 2-nji bap

### *Pawlusyň Salonikidäki hyzmaty*

1 Eý, doganlar! Size barmagymyzyň bi-
derek bolmandygyny özüňiz bilýänsiňiz.
2 Biziň ozal Filipide horluk çekendigimi-
zi, kemsidilendigimizi hem bilýänsiňiz.
Indi bolsa bärde-de garşylyga duçar bol-
duk. Emma muňa garamazdan, Hudaý
Öz Hoş Habaryny size hem wagyz etmek
üçin bize gujur-gaýrat berdi. 3 Biziň ça-
gyryşymyzda ne ýalan, ne ýaman niýet,
ne-de hile bardyr. 4 Hudaý bizi mynasyp
saýyp, Hoş Habary ýaýratmagy bize
ynandy. Şonuň üçin-de, biz adamlaryň
däl, eýsem ýürekleri synaýan Hudaýyň
göwnünden turjak bolup gürleýäris. 5 Bil-
şiňiz ýaly, biz size ýaranjaňlyk etmedik,
öz bähbidimizi aramadyk. Hudaý muňa
şaýatdyr. 6 Biz ynsanlardan: sizden-de,
başgalardan-da öwgi hantama däldik.
7 Biz Mesihiň resullary hökmünde size
agram salyp, gopbamsyrap hem bilerdik.
Emma biz araňyzda bir gara ýer kimin
gezdik, sizi enäniň öz balasyny söýşi
dek söýdük. 8 Şoňa görä-de, biz diňe
Hudaýyň Hoş Habaryny däl, eýsem
ýüregimiziň töründen orun bermäge-de
taýyndyk, sebäbi siz biziň üçin şeý-
le eziz bolduňyz! 9 Eziz doganlarym!
Biziň çeken agyr zähmetimiz, gören
görgülerimiz ýadyňyzdadyr. Hoş Habary
size wagyz eden döwrümizde hiç kime
agram salmajak bolup, gije-gündiz işle-
dik. 10 Siz imanlylar babatda biziň ahlak
taýdan päk, dogruçyl we hiç bir aýyp-
syz bolandygymyza özüňiz şaýatsyňyz.

[a] **1:1** ***Silwan*** – bu Silasyň beýleki ady.

Muňa Hudaý-da şaýatdyr. 11-12 Biz sizi Öz
Şalygyna, şöhratyna çagyrýan Hudaýa
mynasyp ýaşamagyňyzy tabşyrdyk. Biz
siziň her biriňize atanyň öz perzendine
garaýşy kimin garap, sizi ruhlandyrdyk,
göwünlik berdik. Bularyň baryny özü-
ňiz-de bilýänsiňiz.

### *Pawlus salonikililer üçin şükürler edýär*

13 Siz Hudaýyň Hoş Habaryny bizden
eşidip kabul edeniňizde, muny ynsan
habary hökmünde däl, eýsem, hakykat-
dan-da, Hudaýyňky diýip kabul etdiňiz.
Siz imanlylara täsir edýän-de bu Habar-
dyr. Şoňa görä-de, biz siziň üçin Hudaýa
dyngysyz şükürler edýäris. 14 Eý, dogan-
lar! Siz Hudaýyň Ýahudyýa ýurdundaky
ýygnaklarynyň, ýagny Isa Mesihiň je-
magatynyň göreldesine eýerdiňiz. Şoňa
görä-de, bu ýygnaklaryň ýahudylardan
çeken jebirlerini siz hem öz ildeşleriňiz-
den çekmeli bolduňyz. 15-16 Ýahudylar
pygamberleri we Reb Isany öldürdiler,
bizi bolsa gysyp çykardylar. Olar başga
milletleriň-de halas bolmagy üçin wagyz
edilýän Hoş Habara böwet bolmakçy
bolýarlar. Ýahudylar Hudaýy närazy
edip, hemme adamlara garşy çykýarlar.
Şunlukda, olaryň günäleri hetden aşyp
barýar. Hudaýyň gazaby eýýäm olaryň
başyndan inendir.

### *Pawlus salonikili imanlylaryň didaryny küýseýär*

17 Eý, doganlar, biz oý-pikirlerimizde
siziň bilen bolsak-da, didaryňyzdan az
wagtlyk mahrum edildik. Şonda biziň
sizi örän göresimiz geldi! Siziň didary-
ňyzy görmek üçin elimizden gelenini
etdik. 18 Hawa, ýanyňyza barasymyz
gelýärdi. Men Pawlus hem bu babatda
gaýta-gaýta synanyşdym, ýöne şeýtan
bize päsgel berdi. 19 Biziň umydymyz
we şatlygymyz kimdir? Rebbimiz Isa
gelende Onuň öňünde guwanjak täji-
miz kimdir? Siz dälmisiňiz? Elbetde
sizsiňiz! 20 Hawa, biziň şatlygymyz-da,
guwanjymyz-da sizsiňiz.

## 3-nji bap

1 Biz didaryňyzdan mundan artyk mah-
rum bolmaga çydaman, Afinyda ýeke
galmagy makul gördük. 2 Siziň ýanyňyza
bolsa Mesihiň Hoş Habaryny ýaýratmak
üçin Hudaýyň hyzmatynda egindeşimiz
bolan Timoteos doganymyzy iberdik.
Biz muny sizi imanyňyzda berkitmek,
ruhlandyrmak üçin, 3 muşakgatlar zerar-
ly siziň hiç biriňiz imandan dänmesin
diýip etdik. Ýöne özüňiz bilýänsiňiz, bu
muşakgatlar Mesihe iman getirenleriň
başynda bardyr. 4 Biz muşakgat çekjek-
digimizi heniz ýanyňyzdakak öňünden
aýdypdyk. Bilşiňiz ýaly, şeýle hem bol-
dy. 5 Şoňa görä-de, mundan artyk çydap
bilmän, imanyňyzdan habar almak üçin,
men Timoteosy ýanyňyza iberdim. Çün-
ki azdyryjy şeýtanyň haýsydyr bir ýol
bilen sizi azdyryp, azabymyzyň biderek
bolaryndan gorkdum.

### *Salonikiden gelen oňat habarlar*

6 Emma ýanyňyzdan şu pursat gelen
Timoteos siziň imanyňyz we söýgiňiz
barada oňat habarlar getirdi. Ol bizi he-
mişe ýagşylykda ýatlaýandygyňyzy, sizi
göresimiziň gelşi ýaly, siziň-de bizi gaty
küýseýändigiňizi gürrüň berdi. 7 Şoňa
görä-de, eý, doganlar, ähli muşakgatla-
rymyza we yzarlanmalara garamazdan,
siziň imanyňyzdan teselli tapdyk. 8 Siziň
Rebde berk durmagyňyz indi janymyza
jan goşýar. 9 Biz Hudaýymyzyň öňünde
siz sebäpli örän şatlandyk. Siziň üçin
Hudaýa näçe şükürler aýtsagam azdyr!

10 Biz didaryňyzy görmek we imanyňy-
zyň artmagy üçin, gije-gündiz erjellik
bilen doga-dileg edýäris. 11 Indi bolsa size
tarap ýolumyzy, goý, Atamyz Hudaýyň
Özi hem-de Rebbimiz Isa açsyn. 12 Biziň
sizi söýşümiz ýaly, goý, Reb biri-biriňize,
ähli adamlara bolan söýgiňizi artdyryp,
pürepür etsin. 13 Rebbimiz Isa Öz ähli
perişdeleri bilen bile gelende, Atamyz
Hudaýyň öňünde aýypsyz we mukaddes
bolup bileriňiz ýaly, goý, Ol ýürekleri-
ňizi kuwwatlandyrsyn.

## 4-nji bap

### *Hudaýy hoşnut etmek*

1 Eý, doganlar, biz Hudaýy razy et-
mek üçin nähili ýaşamalydygyny size
öwretdik. Siz hakykatdan hem şeýle
ýaşaýarsyňyz. Indi bolsa şeýle ýaşa-
makda has-da ilerlemegiňizi Reb Isanyň
adyndan size ündeýäris. 2 Size Reb Isa-
nyň haýsy tabşyryklaryny berenimizi
bilýärsiňiz ahyryn. 3 Hudaýyň islegi
şulardyr: mukaddes boluň, zyna etmäň;
4 her kes öz bedenine päklik we abraý
bilen eýelik etsin, 5 Hudaýy tanamaýan
milletler ýaly öz bedeniňizi haram keýpe
bermäň; 6 şu tärde doganyňyza ahlak-
syzlyk etmäň, ony aldamaň. Ozal size
aýdyp, berk duýduryşymyz ýaly, şeýle
günäleriň ählisi üçin Reb ynsanlary jeza-
landyrar. 7 Çünki Hudaý bizi haramlyga
däl-de, halal ýaşamaga çagyrdy. 8 Şoňa
görä-de, bu tabşyryklary ret edýän adam
ynsany däl, eýsem Öz Mukaddes Ruhuny
berýän Hudaýy ret edýändir.

9 Dogan söýgüsi barada ýazyp-da otur-
jak däl, sebäbi birek-biregi söýmegi size
Hudaýyň Özi öwretdi ahyryn. 10 Haky-
katdan-da, siz tutuş Makedoniýadaky
ähli doganlaryňyzy söýýärsiňiz. Emma
şonda-da, eý, doganlar, bu söýgiňizi
mundan beýläk has-da artdyryň diýip
ýalbarýarys. 11 Size buýruşymyz ýaly,
gep-gürrüňsiz ýaşamaga, diňe öz işi-
ňiz bilen meşgul bolmaga, eklenjiňizi
özüňiz gazanmaga yhlas ediň. 12 Şonda
Mesihe iman etmeýänler size hormat
goýarlar. Siz hiç kimden hiç zada zar
bolmarsyňyz.

### *Isanyň gaýdyp gelmegi*

13 Eý, doganlar, siziň-de umytsyz
adamlar ýaly hasrat çekmezligiňiz
üçin, merhumlar babatda bilmegiňizi
isleýäris. 14 Biz Isanyň ölüp direlenine
ynanýarys. Şoňa görä-de, Hudaýyň Isa
Mesihe gowşan merhumlary Onuň bilen
yzyna getirjekdigine-de ynanmalydyrys.
15 Rebbiň sözüne daýanyp, size şuny aýd-
ýarys: biz – diriler, Reb gaýdyp gelende,
Onuň bilen merhumlardan öň duşuşma-
rys. 16 Rebbiň Özi hökmürowan gygyryş
bilen, Öz surnaýy bilen, baş perişdäniň
sesi bilen göklerden iner. Şonda ilki bi-
len Mesihe gowşan merhumlar direler.
17 Soňra bolsa biz, ýagny diriler, olar
bilen bile Rebbi howada garşylamak
üçin, bulutlar içinde alnyp göterileris
we elmydama Reb bilen bolarys. 18 Şo-
ňa görä-de, şu sözler bilen birek-biregi
ruhlandyryň.

## 5-nji bap

1 Eý, doganlar, bu wakalaryň wagty
we seneleri hakda size ýazmagyň gere-
gi ýok. 2 Rebbiň güni bir ogrynyň gelşi
ýaly geler, muny özüňiz-de bilýänsiňiz
ahyryn. 3 Adamlar heniz: «Hemmeler
sag-salamat, howp-hatar hem ýok» di-
ýip durkalar, olaryň üstünden heläkçilik
iner. Bu edil göwreli aýalyň burgusy
kimin duýdansyz başlanar. Şonda olar
gaçyp gutulmazlar. 4 Emma, eý, dogan-
lar, Rebbiň güni siziň üstüňizi bir ogry

kimin duýdansyz basmasyn, sebäbi siz
garaňkylykda däl ahyryn. 5 Siziň bary-
ňyz nura we gündize degişlisiňiz. Biz
tümlüge ýa gijä degişli däldiris. 6 Şun-
lukda, ukudaky adamlar ýaly bolmalyň.
Tersine, oýa we hüşgär bolalyň. 7 Çünki
uklaýanlar gije uklaýandyrlar, serhoş
bolýanlar-da gije serhoş bolýandyrlar.
8-9 Biz bolsa gündize degişlidiris. Hudaý
bizi gazaba duçar bolmaga däl, eýsem
Rebbimiz Isa Mesih arkaly halas bol-
maga belledi. Şoňa görä-de, egnimize
iman bilen söýgini sowut hökmünde,
başymyza halas bolmak umydyny tu-
wulga hökmünde geýip, hüşgär bolalyň.
10 Isa Mesih biziň üçin öldi. Ol muny biz
ýaşasak-da, ölsek-de, Onuň bilen ýaşap
bilmegimiz üçin etdi. 11 Şoňa görä-de,
edil şu wagt edişiňiz ýaly, biri-biriňize
öwüt-ündew beriň, ruhlandyryň.

### *Öwüt-nesihatlar*

12 Indi bolsa, eý, doganlar, sizden şu-
lary haýyş etmekçi: araňyzda zähmet
çekýänleriň, Reb ýolunda size öňbaş-
çylyk edýänleriň, terbiýe berýänleriň
gadyryny biliň; 13 edýän işleri üçin olary
söýüň, olara uly hormat goýuň; özara
parahat ýaşaň. 14 Eý, doganlar, size ýal-
barýarys: bikär gezýänleri ýazgaryň,
göwnüçökgünlere göwünlik beriň,
ejizleri goldaň, hemmeler babatda
sabyr-takatly boluň. 15 Hiç kimiň ýa-
manlyga ýamanlyk gaýtarmaýandygyna
göz ýetiriň. Gaýtam, biri-biriňize we
hemmelere ýagşylyk etjek boluň. 16 He-
mişe şatlanyň. 17 Dyngysyz doga-dileg
ediň. 18 Her ýagdaýa şükür ediň. Hawa,
Isa Mesihe degişli bolan siz babatda
Hudaýyň islegi şulardyr.

19 Mukaddes Ruhuň oduny söndürmäň.
20 Pygamberlik sözlerine äsgermezçilik
etmäň. 21 Her zady synap görüň. Gowy
zady gaýym saklaň. 22 Her hili erbetlik-
den gaça duruň. 23 Goý, parahatlygyň
gözbaşy bolan Hudaý sizi hemmeta-
raplaýyn päklesin. Rebbimiz Isa Mesih
gelende ruhuňyz, janyňyz we bedeniňiz
aýypsyz bolsun. 24 Hudaý muny başarar.
Çünki sizi çagyran Hudaý ynamdardyr.
25 Doganlar, biziň üçin doga-dileg ediň.
26 Doganlaryň hemmesini mähirli ogşap
salamlaşyň. 27 Bu haty doganlaryň bary-
na okap bermegi Rebbiň adyndan size
tabşyrýaryn. 28 Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemeti size ýar bolsun!

# Pawlusyň salonikililere ikinji haty

## Giriş

Pawlusyň Salonikidäki imanlylar ýygnagyna ýazan ikinji haty şükür sözleri bilen başlanýar. Ol salonikilileriň gitdigisaýy ösýän imanlary we söýgüleri üçin Hudaýa şükür edýär.

Salonikililer köp kynçylyklara duçar bolýardylar. Ýöne Pawlus bu kynçylyklaryň jeza ýa temmi dälde, iman synagydygy barada aýdýar. Salonikidäki ýygnakdan bir adam Rebbiň eýýäm gaýdyp gelendigini habar berýän haty Pawlusdan alandygyny aýdýar. Emma Pawlus olara özlerini aldatmazlygy tabşyrýar. Ol «ýok edilmeli bikanun adam peýda bolýança» Rebbiň gelmejekdigini olara açykdan-açyk aýdýar (2:3).

Pawlus ýygnakdaky imanlylara bikär gezmezligi ündeýär. Şeýle-de ol hatda aýdylýan öwütlere gulak asmaýan adamlardan ägä bolmagy ýygnaga tabşyrýar. Pawlusyň haty şeýle dileg sözleri bilen tamamlanýar: *«Parahatlygyň gözbaşy bolan Rebbiň Özi size hemişe, her ýagdaýda parahatlyk bersin! Reb baryňyza ýar bolsun!»* (3:16).

***Mazmuny***


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-2*
Reb gaýdyp gelende adalaty berkarar eder ........ *1:3-12*
Reb heniz gaýdyp gelenok ........ *2:1-12*
Imanda berk duruň ........ *2:13-17*
Doga-dileg ediň, bikär gezmäň ........ *3:1-15*
Soňky doga-dilegler ........ *3:16-18*


---

### 1-nji bap

1 Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz Isa
Mesihiň Salonikidäki imanlylar ýygnagyna Pawlus, Silwan[a] we Timoteosdan
dogaýy salam! 2 Atamyz Hudaýyň we
Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti, parahatlygy size ýar bolsun!

### *Geljek höküm*

3 Eý, doganlar! Siziň imanyňyz gitdigisaýy ösýär, biri-biriňize bolan söýgiňiz dolup-daşýar. Şoňa görä-de, biz elmydama Hudaýa şükürler etmelidiris. Bu örän ýerliklidir.
4 Biz Hudaýyň ýygnaklarynyň arasynda siz babatda magtanýarys.

---

[a] **1:1** ***Silwan*** – bu Silasyň beýleki ady.

Sebäbi siz yzarlanyp, görgi baryny gör-
seňiz-de, imanda berk durup, olaryň
ählisine çydaýarsyňyz. [5]Hudaýyň ada-
laty şu görýän görgüleriňiz arkaly aýan
bolar: siz Hudaýyň Şalygyna mynasyp
saýylarsyňyz, sebäbi siz şonuň ugrunda
görgi görýäňiz ahyryn. [6]Hudaý adalat-
lydyr. Ol size jebir çekdirýänlere jebir
berer, [7-8]emma jebir çeken size biziň bi-
len bile rahatlyk berer. Bu zatlar Reb Isa
Öz perişdeleri bilen ot-ýalyn içinde gök-
den peýda bolan mahaly bolar. Rebbimiz
Isa Hudaýy tanamaýanlary we Özi ba-
radaky Hoş Habara gulak asmadyklary
jezalandyrar. [9]Olar Rebbiň huzuryndan
we Onuň gudratynyň şöhratyndan mah-
rum edilip, baky heläkçilik jezasyny
çekerler. [10]Rebbiň saýlap-seçenleri bolsa
Onuň geljek şol gününde Rebbi şöhrat-
landyrarlar. Iman edenleriň ählisi Rebbi
beýgelderler. Bulara siz hem degişlisiňiz,
sebäbi siz özüňize edilen şaýatlyklara
ynandyňyz. [11]Şoňa görä-de, biz elmy-
dama siziň üçin doga-dilegler edýäris:
goý, Hudaý sizi Öz çagyryşyna mynasyp
saýsyn; goý, ähli ýagşy niýetleriňizi we
imanyňyzyň gönükdiren her bir işini
Hudaý Öz gudraty bilen amala aşyrsyn.
[12]Biz Hudaýymyzyň we Rebbimiz Isa
Mesihiň merhemetine görä, siziň Rebbi
şöhratlandyrmagyňyz üçin, Onuň-da
sizi şöhratlandyrmagy üçin şu doga-di-
legleri edýäris.

## 2-nji bap

### *Bikanun adam*

[1]Indi bolsa, eý, doganlar, Rebbimiz
Isa Mesihiň gelmegi we Onuň ýanyna
üýşmegimiz babatda şulary aýdyňlaş-
dyrmakçy: [2]«Rebbiň güni golaýlady»
diýip aýdýan haýsydyr bir habar, py-
gamberlik ýa-da hat bizden ýaly bolup
görünse-de, şolar sebäpli haýdan-haý
aljyramaň, galpylda düşmäň. [3]Özüňizi
hiç kime hiç ýol bilen aldatmaň. Çünki
köpler Hudaýa garşy baş galdyrar we ýok
edilmeli bikanun adam peýda bolar. Ýö-
ne bu zatlar amala aşýança, Rebbiň güni
gelmez. [4]Bu adam hudaý diýip atlandy-
rylýan ýa sežde edilýän zatlaryň baryna
garşy çykyp, özüni olardan ýokary tutar.
Ol hatda Hudaýyň ybadathanasynda otu-
ryp, özüni Hudaý diýip yglan eder. [5]Men
heniz ýanyňyzdakam bulary aýdanym,
elbetde, ýadyňyzdadyr. [6-7]Bu bikanun
adam Hudaýyň bellän wagtynda peýda
bolar. Bikanunlyk eýýäm assyrynlyk
bilen hereket etse-de, bikanun adamyň
peýda bolmagy bökdelýär. Munuň sebä-
bini özüňiz bilýänsiňiz. Hawa, bikanun
adamy bökdeýän biri bardyr. Ol aradan
aýrylansoň, [8]bikanun adam peýda bolar.
Reb Isa agzynyň demi bilen, Öz gelşiniň
şanly şöwketi bilen ony ýok eder. [9]Bika-
nun adam gelende şeýtanyň güýji arkaly
her hili ýalan gudratlary, alamatlary
we mugjyzalary görkezer. [10]Ol her hili
ýamanlyklar bilen heläkçilik ýoluna dü-
şenleri aldawa salar. Çünki olar hakykaty
söýmegi we şol arkaly halas bolmagy
ret etdiler. [11]Şonuň üçin-de Hudaý olary
aldaýan bir güýje tabşyrýar. Olar-da bu
aldawa ynanýarlar. [12]Ol muny hakykata
ynanman, ýamanlykdan keýp alanlaryň
baryny höküm etmek üçin edýär.

### *Imanda berk duruň!*

[13]Eý, Reb tarapdan söýülýän doganlar!
Siz halas bolup bileriňiz ýaly, Hudaý sizi
ilkinjiler hökmünde[a] saýlady. Siz Mu-
kaddes Ruh arkaly päklenip, hakykata

[a] **2:13** ***Ilkinjiler hökmünde*** – käbir golýazmalarda *ilkibaşdan*.

bolan imanyňyz arkaly halas bolduňyz.
Şoňa görä-de, biz elmydama Hudaýa
şükürler etmelidiris. 14Ol Rebbimiz Isa
Mesihiň şöhratyna şärik bolup bileri-
ňiz ýaly, wagyz edýän Hoş Habarymyz
arkaly sizi bulara çagyrdy. 15Şoňa gö-
rä-de, eý, doganlar, indi imanda berk
duruň! Bizden söz ýa hat arkaly öwrenen
taglymatyňyza berk ýapyşyň. 16-17Ata-
myz Hudaý bizi söýüp, Öz merhemeti
arkaly bize ebedi teselli bilen ýagşy umyt
berdi. Goý, Rebbimiz Isa Mesihiň Özi
we Atamyz Hudaý size teselli bersin, her
bir ýagşy işde we sözde size güýç bersin.

## 3-nji bap

### *Biziň üçin doga-dileg ediň*

1Eý, doganlar! Rebbiň Hoş Habary
siziň araňyzda çalt ýaýrap, şöhratlandy.
Ol beýleki ýerlerde-de şeýle bolar ýa-
ly, biziň üçin doga-dileg ediň. 2Zalym,
ýaman adamlardan gutulyp bilmegi-
miz üçin-de doga-dileg ediň. Çünki
Rebbe adamlaryň hemmesi ynanýan
däldir. 3Emma Reb ynamdardyr. Ol
size kuwwat berer we şeýtandan gorar.
4Biziň buýranlarymyzy edýändigiňiz,
geljekde-de etjekdigiňiz babatda Reb
bizi ynandyrýar. 5Goý, Reb ýürekleri-
ňizi Hudaýy söýmäge we Mesihe sadyk
bolmaga gönükdirsin.

### *Çöregiňizi özüňiz gazanyň*

6Eý, doganlar, bikär gezip, biziň tag-
lymatymyza görä ýaşamaýan her bir
dogandan daş durmagy Rebbimiz Isa
Mesihiň adyndan size buýurýarys. 7Bi-
ziň göreldämize nähili eýermelidigini
özüňiz bilýänsiňiz. Biz siziň araňyz-
dakak, bikär gezmedik, 8hiç kimiň
çöregini mugt iýmedik. Gaýtam, si-
ziň hiç biriňize agram salmajak bolup,
gije-gündiz işläp, zähmet çekdik. 9Bi-
ziň sizden ýardam almaga hakymyz
bolsa-da, ony talap etmedik. Sebäbi
göreldämize eýerip bileriňiz ýaly, muny
size nusga bolmak üçin etdik. 10Biz hat-
da siziň ýanyňyzdakak: «Kim işlemek
islemeýän bolsa, damak-da iýmesin»
diýip buýrupdyk. 11Emma biz araňyz-
da käbirleriňiziň bikär gezýändigini
eşidýäris. Olar öz işleri bilen bolman,
başgalaryň işine goşulýarlar. 12Şeýle
adamlara gep-gürrüňsiz işlemegi we
öz çöreklerini gazanmagy Rebbimiz
Isa Mesihiň adyndan tabşyryp ýalbar-
ýarys. 13Siz bolsa, eý, doganlar, ýagşylyk
etmekde ýadamaň. 14Kim bu hatda aý-
danlarymyza gulak asmasa, ony göz
astyna alyň. Ol utanar ýaly, onuň bilen
gatnaşmaň. 15Ýöne ony duşman saý-
maň, gaýtam bir dogan hökmünde oňa
öwüt beriň.

### *Salamlar*

16Parahatlygyň gözbaşy bolan Rebbiň
Özi size hemişe, her ýagdaýda parahat-
lyk bersin! Reb baryňyza ýar bolsun!
17*Men Pawlusdan size salam bolsun.*
*Muny öz elim bilen ýazyp, her hatymy*
*şeýdip tamamlaryn.* 18*Rebbimiz Isa Me-*
*sihiň merhemeti, goý, siziň baryňyza*
*ýar bolsun!*

# Pawlusyň Timoteosa birinji haty

## Giriş

Timoteos Pawlus nirä gitse, onuň bilen bile gidýärdi, ähli işlerinde oňa kömek berýärdi (Rim 16:21; 1 Kor 16:10; Fil 2:19). Imanlary bir bolany üçin, Pawlus ony öz ogly kimin görýärdi (1:2). Timoteos Pawlusyň iň sadyk egindeşleriniň biri bolansoň, ol öz hatlarynda Timoteosy köp ýatlaýar.

Bu hatyň Timoteosa ýazylandygyna garamazdan, Pawlus onda tutuş ýygnaga degişli meselelere garap geçýär. Ol ýygnagyň ýolbaşçylaryny we hyzmatçylaryny saýlamakda nämä esaslanmalydygyny aýdýar (3:1-13, 5:17-20). Pawlus mesihileriň ählisine hemmeler üçin doga-dileg edip, şuny ýatda saklamagy tabşyrýar: *«Çünki ýeke-täk bir Hudaý bardyr. Hudaý bilen adamlaryň arasynda hem ýeke-täk bir Töwellaçy bardyr. Ol hem ynsan bolan Isa Mesihdir»* (2:5).

***Mazmuny***

Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-2*
Ýygnagyň durmuşy üçin öwüt-ündewler ........ *1:3–3:13*
Imanymyzyň syry ........ *3:14–4:5*
Pawlusyň Timoteosa beren öwütleri ........ *4:6–6:21*

---

### 1-nji bap

1Halasgärimiz Hudaýyň we umydy-
myz bolan Isa Mesihiň buýrugyna görä
Onuň resuly men Pawlusdan 2Timoteosa
dogaýy salam! Eý, Timoteos, sen öz ima-
nyň arkaly maňa hakyky ogul bolansyň.
Goý, Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz
Isa Mesihiň merhemeti, rehim-şepagaty,
parahatlygy saňa ýar bolsun!

***Ýalan taglymatlardan ägä boluň!***

3Men Makedoniýa ugranymda, Efes
şäherinde galmagyňy haýyş edipdim.
Sen ol ýerdäki adamlaryň käbirine ýalan
taglymatlary ýaýratmazlygy buýur. 4Goý,
olar gadymy rowaýatlara, tükeniksiz
nesil şejerelerine ýykgyn etmesinler.
Bular dawa-jenjelleriň döremegine se-
bäp bolup, Hudaýyň tabşyrygynyň iman
arkaly amala aşyrylmagyna päsgel ber-
ýändir. 5Buýrugymyň esasy maksady
imanlylara biri-birini sap ýürekden, päk
wyždandan, hakyky imandan döreýän
söýgi bilen söýmegine ýardam bermekdir.
6Käbir adamlar mundan dänip, howaýy
gürrüňlere baş urdular. 7Olar Mukaddes
Kanuny öwretmekçi bolýarlar, ýöne ne
öz aýdýanlaryna, ne-de wagyz edýän
zatlaryna düşünýärler. 8Biz Kanunyň

ony dogry ulanýanlar üçin ýagşydygyny
bilýäris. 9Mundan başga-da, bu Kanu-
nyň dogry adamlar üçin däl-de, ony
bozýanlar we bitabynlar, hudaýsyzlar
we günäkärler, adamlary sylamaýanlar
we imansyzlar, ata-enesini öldürýän-
ler, ganhorlar, 10zynahorlar, biri-biri
bilen ýatýan erkekler, gul söwdagärleri,
ýalançylar, ähtiýalanlar, umuman, sag-
dyn taglymata garşy çykýanlaryň ählisi
üçindigini bilýäris. 11Hawa, beýik we
şöhratly Hudaýyň maňa ynanan Hoş
Habary hut şeýle öwredýändir.

### *Pawlus Hudaýa şükür edýär*

12Men Rebbimiz Isa Mesihiň maňa gu-
jur-gaýrat berendigi üçin şükür edýärin.
Ol meni sadyk saýyp, Özüne hyzmat et-
mäge belledi. 13Men ozallar Isa Mesihe
dil ýetirip, azar berip, zalymlyk baryny
edipdim. Ýöne men bularyň baryny bil-
mezlikden we imansyzlykdan edenim
üçin, maňa rehim edildi. 14Rebbimiz Isa
Mesihiň çäksiz merhemeti, söýgüsi we
Onuň beren imany üstüme boldan-bol
ýagdy. 15Şoňa görä-de: «Isa Mesih günä-
kärleri halas etmäge geldi» diýen sözler
dogry we her jähtden kabul ederlikdir.
Şol günäkärleriň iň günäkäri-de mendi-
rin. 16Emma Isa Mesih maňa Öz çäksiz
rehim-şepagatyny görkezdi. Hawa, Ol
maňa rehim etdi we Özüne iman edip,
baky ýaşaýşa gowuşjaklaryň ählisi üçin
meni mysal hökmünde ulandy. 17Ebe-
diligiň Şasy, ölmez we göze görünmez
ýeke-täk Hudaýa baky hormat we şöhrat
bolsun! Omyn.

### *Ökde söweşiji kimin söweşmek*

18Eý, oglum Timoteos, sen barada
aýdylan pygamberlikleri nazara alyp,
saňa şuny berk tabşyrýaryn: bu pygam-
berliklere daýanyp, ökde söweşiji kimin
söweş, 19imanda berk durup, ynsabyňy
päk sakla. Käbir adamlar ynsaplary-
ny ýuwudandygy üçin, imanlary gaýa
urlan gämi kimin çym-pytrak boldy.
20Himeneý bilen Isgender-de şeýle
adamlara degişlidir. Men Hudaýa dil
ýetirmezligi öwrensinler diýip, olary
şeýtana tabşyrdym.

## 2-nji bap

1Şoňa görä, eý, Timoteos, ilki bilen
şulary ündeýärin: hemmeler üçin doga-
-dileg ediň, olar üçin Hudaýa ýalbaryň,
Oňa minnetdarlyk bildiriň. 2Parahat we
gep-gürrüňsiz, her zatda Hudaýyň ýö-
relgesine eýerip, edepli ýaşap bilerimiz
ýaly, patyşalar we ygtyýarlylaryň ählisi
üçin doga-dileg ediň. 3Bu haýyrlydyr,
Halasgärimiz Hudaýyň halaýanydyr.
4Ol hemme adamlaryň hakykaty bilip,
halas bolmagyny isleýändir. 5Çünki
ýeke-täk bir Hudaý bardyr. Hudaý bilen
adamlaryň arasynda hem ýeke-täk bir
Töwellaçy bardyr. Ol hem ynsan bolan
Isa Mesihdir. 6Isa Mesih hemmeleri
azat etmek üçin, Özüni gurban etdi.
Şeýdip, Ol Hudaýyň niýetini tassykla-
dy. Hudaýyň niýeti bolsa gelejekde her
bir adamy Öz bellän wagtynda halas
etmekden ybaratdyr. 7Hut şu maksat
üçin, men jarçy we resul edilip bellen-
dim. Dogrymy aýdýaryn, sözlerimde
asla ýalan ýokdur: men ýahudy dällere
iman baradaky hakykaty öwretmäge
bellendim. 8Şoňa görä-de, erkekleriň
gaharlanman, jedelleşmän, ähli ýerde
ellerini galdyryp, päk ýürekden doga-
-dileg etmeklerini isleýärin.
9Aýallar hem saçlaryny gereginden
artyk owadanlamasynlar, özlerini tyl-
la we merjen şaý-sepleri, gymmatbaha
eginbaşlary bilen bezemesinler. Tersine,
sada geýnip, asyllylyk we haýa bilen 10öz

ýagşy işlerine beslensinler. Hudaýyň ýö-
relgelerine eýerýändiklerini ykrar edýän
aýallara şeýle etmek ýaraşýandyr. 11 Aýal
ýygnakda öwredilýän zatlary ümsüm
we doly tabynlykda öwrensin. 12 Aýalyň
ýygnakda öwretmegine, erkegiň üstünden
agalyk sürmegine ygtyýar bermeýärin. Ol
sessiz-üýnsüz bolsun. 13 Çünki ilki Adam
ata, onsoň How ene ýaradyldy. 14-15 Al-
dananam Adam ata däldi. Aýal aldanyp,
günä gazandy we näletlenip, dogrum
burgularyna sezewar edildi. Emma aýal
iman edip, söýgi we halallyk ýörelgelerine
eýerse, bu nälete garamazdan halas ediler.

## 3-nji bap

### *Ýygnagyň ýolbaşçylary we hyzmatçylary*

1 «Kim ýygnagyň ýolbaşçysy bolmagy
ýüregine düwen bolsa, asylly işe ymtyl-
ýandyr» diýip aýdylan söz gaty dogrudyr.
2 Şoňa görä-de, ýygnagyň ýolbaşçysy
müýnsüz, ömründe diňe bir gezek öýlenen,
her zatda özüne erk edip bilýän, pähimli,
abraýly, myhmansöýer, öwretmäge ukyply,
3 şeraba höwesjeň däl, zalym däl-de, my-
laýym, dawa-jenjelden gaça durýan, pula
gyzmaýan adam bolmalydyr. 4 Ol öz öýüni
oňat dolandyrmaly, çagalarynyň hormaty-
ny gazanyp, olara öz diýenini etdirmelidir.
5 Sebäbi öz öýüni dolandyryp bilmeýän
adam, heý-de Hudaýyň ýygnagynyň
aladasyny edip bilermi?! 6 Ýygnagyň
ýolbaşçysy ýaňy-ýakynda iman getireniň
biri bolmaly däldir. Ýogsa ol tekepbirlige
ýüz urup, iblisiň sezewar edilen jezasyna
uçramagy ahmal. 7 Biabraýlyga uçramaz
ýaly we iblisiň duzagyna düşmez ýaly, ol
ýygnagyň daşyndaky adamlaryň arasynda
hem sylanylýan bolmalydyr.
8 Şonuň ýaly, ýygnagyň hyzmatçylary
hem sylanýan, ikiýüzli däl, şeraba ýyk-
gyn etmeýän, gara nebsine çapmaýan
adamlar bolmalydyr. 9 Olar päk wyždanly
bolup, Hudaýyň bize Isa Mesih barasynda
aýan eden hakykatyna eýermelidir. 10 Ýyg-
nagyň hyzmatçylary bellenilmezden
öňürti synalsyn. Eger müýnsüz bolup çyk-
salar, goý, hyzmat edibersinler. 11 Şonuň
ýaly, ýygnagyň hyzmatçy aýallary hem
hormatlanýan, gybat etmeýän, tersine,
özlerine erk edýän we her zatda ynamdar
bolmalydyr. 12 Ýygnagyň hyzmatçylary öz
aýallaryna biwepalyk etmeýän, çagalary-
ny we öýlerini oňat dolandyrýan adamlar
bolsunlar. 13 Oňat hyzmat edýän hyzmat-
çylar adamlaryň hormatyna mynasyp
bolup, Isa Mesihe bolan imanlary barada
ynamly gürläp bilýändirler.
14 Eý, Timoteos! Men tiz wagtda seniň
ýanyňa bararyn umydy bilen şu ün-
dewleri ýazýaryn. 15 Ýöne bardy-geldi
eglenmeli bolaýsam, sen Hudaýyň maş-
galasynyň, ýagny hakykatyň binýady we
diregi bolan diri Hudaýyň ýygnagyndaky
adamlaryň özlerini nähili alyp barma-
lydygyny bilmelisiň. 16 Iman syrynyň
çuňdugyna asla şübhe ýokdur: Isa Mesih [a]
ynsan bedeninde aýan bolup, Mukaddes
Ruh arkaly tassyklanyldy. Perişdeler Ony
gördüler, Ol milletler arasynda wagyz
edildi. Oňa bu dünýäde iman edildi, Ol
şan-şöhrat içinde göge alyndy.

## 4-nji bap

### *Timoteosa berilýän ündewler*

1 Mukaddes Ruh ahyrky günlerde kä-
bir adamlaryň imandan dänip, azdyryjy
ruhlara we jynlaryň taglymatlaryna eýer-
jekdiklerini aýdyň aýdýar. 2 Bu taglymatlar

[a] **3:16** ***Isa Mesih*** – käbir golýazmalarda *Hudaý.*

ynsaplaryny ýuwudan ikiýüzli ýalançylar
tarapyndan ýaýradylýar. 3 Olar öýlenme-
gi, durmuşa çykmagy gadagan edýärler.
Hudaýyň ýaradan näz-nygmatlarynyň
käbirini iýmezligi buýurýarlar. Ýöne
Hudaý bu näz-nygmatlary hakykaty bil-
ýän imanlylaryň şükür bilen iýmekleri
üçin ýaratdy ahyryn. 4 Hudaýyň ýaradan
zatlarynyň ähli̇si gowudyr. Şükür bilen
kabul edilen her zat asla ret edilmeli däl-
dir. 5 Sebäbi Hudaýyň sözi we doga-dileg
arkaly kabul edilen iýmit Hudaýyň na-
zarynda halaldyr. 6 Eý, oglum, sen bulary
doganlara öwretseň, öz eýeren imanyň
baradaky hakykat taglymatynyň sözleri
bilen ýetişdirilersiň. Şeýdip, Isa Mesihiň
oňat hyzmatçysy bolarsyň. 7 Hudaýyň ha-
lamaýan geplerine we kempir ertekilerine
ulaşma-da, gowusy, Hudaýyň ýolunda
türgenleş. 8 Bedeni türgenleşdirmegiň
peýdaly taraplary bardyr. Ýöne özü-
ňi Hudaýyň ýolunda türgenleşdirmek
hemmetaraplaýyn peýdalydyr. Sebäbi
munda häzirki we geljekki ýaşaýşyň
wadasy bardyr. 9 Bu wada ygtybarlydyr,
her jähtden kabul ederlikdir. 10 Çünki biz
hemme adamlaryň, ylaýta-da imanlylaryň
Halasgäri bolan diri Hudaýa bil baglamak
bilen, şol wadanyň hatyrasyna zähmet
çekip, yhlas edýäris [a]. 11 Bularyň baryny
buýur we öwret. 12 Ýaşdygyň üçin saňa
hiç kim äsgermezlik etmesin. Sen hem
sözde, ýaşaýyşda, söýgüde, imanda we
päklikde iman getirenlere görelde bol.
13 Men barýançam, ýygnaga Mukad-
des Ýazgylary okamak, öwüt-nesihat
etmek we öwretmek bilen meşgul bol.
14 Pygamberlik sözi arkaly we ýygnak
ýolbaşçylarynyň seniň üstüňe el goýmagy
bilen [b] özüňe berlen peşgeşi äsgermezlik
etme. 15 Bu işlerde yhlasly bol. Imanda
ösüşiňi hemmeler görer ýaly, jan-tenden
yhlas et. 16 Ýaşaýyş ýörelgäňe we öw-
redýän taglymatyňa üns ber. Bu işleri
erjellik bilen amal et. Şonda sen özüňi-de,
diňleýjileriňi-de halas edersiň.

## 5-nji bap

### *Dul aýallar baradaky ündewler*

1 Garry adamlary gödek ýazgarma-da,
olara öz ataň kimin garap, sypaýylyk
bilen öwüt-ündew ber. Ýaş ýigitlere öz
doganlaryň ýaly, 2 garry aýallara öz eneň
ýaly, ýaş aýallara öz aýal doganlaryň ýaly
garap, olara päk ýürekden öwüt-ündew
ber. 3 Ýalňyz galan dul aýallary syla. 4 Em-
ma dul aýalyň çagalary ýa agtyklary bar
bolsa, goý, olar onuň aladasyny etsinler.
Goý, olar ozal özleri barada alada eden
ene-atalaryna hormat goýsunlar. Çünki
bu Hudaýyň halaýanydyr. 5 Ýalňyz galan
dul aýal ähli umydyny Hudaýa baglaýan-
dyr. Hudaýdan ýardam sorap, gije-gündiz
dileg edýändir. 6 Emma aýşy-eşret çekýän
dul aýalyň özi diri bolsa-da, ruhy ölüdir.
7 Şonuň üçin-de, dul aýallaryň müýnsüz
bolary ýaly, olara bu ýazan tabşyryklary-
my buýur. 8 Kimde-kim öz dogan-garyn-
daşlarynyň, ylaýta-da öz maşgalasynyň
aladasyny etmeýän bolsa, imandan
dändigidir. Şeýle adam imansyzdan hem
beterdir. 9 Dul aýal altmyş ýaşdan geçen
bolsa, ömründe diňe bir gezek durmuşa
çykan bolsa, ýygnak onuň adyny dullar
sanawyna ýazsyn. 10 Şeýle dul aýal il
arasynda öz ýagşy işleri bilen tanalmaly:
çagalaryny kemala getiren, myhmansöýer,

---

[a] **4:10** ***Yhlas edýäris*** – käbir golýazmalarda *sögülmelere sezewar edilýäris.*
[b] **4:14** ***El goýmagy bilen*** – ir döwürdäki ýygnaklarda imanlylar ýörite bir maksat bilen adamyň üstüne el goýupdyrlar. Res 13:3 we sözlüge seret.

imandaky doganlaryna hyzmat eden we
muşakgat içindäkilere ýardam beren,
umuman, elmydama ýagşylyk etmäge
ymtylýan bolmalydyr. [11] Ýaş dul aýallaryň
adyny bu sanawa goşma. Sebäbi olaryň
ten heseri Mesihe bolan sadyklygyndan
üstün gelse, durmuşa çykmak islärler.
[12] Şonda ozal Mesihe eden wadalaryny
unudandyklary zerarly, olar jeza seze-
war bolarlar. [13] Mundan başga-da, olar
öýden-öýe aýlanyp, bikär gezmäge endik
ederler. Bikärlikleri bilen hem çäklenmän,
gelşiksiz gepleri agza alyp, başgalaryň işi-
ne gatyşýan gybatkeşler bolarlar. [14] Şonuň
üçin-de, men ýaş dul aýallaryň durmuşa
çykyp, çaga dogurmaklaryny we öý iş-
lerine gümra bolmaklaryny ündeýärin.
Şonda duşmanlarymyzyň olara myjabat
atmaga tutarygy bolmaz. [15] Sebäbi olaryň
käbiri şeýtanyň gepine gulak gabardyp,
eýýäm ýoldan çykdylar. [16] Eger imanly
aýalyň [a] garyndaşlarynyň arasynda dul
galan aýallar bar bolsa, goý, ol şolaryň
aladasyny etsin, ýygnaga agram salmasyn.
Ýygnak bolsa maddy kömegini mätäçlik
çekýän ýalňyz dul aýallara bersin.

### *Ýygnak ýolbaşçylary baradaky ündewler*

[17] Ýygnagy oňat dolandyrýan ýolbaş-
çylar, ylaýta-da wagyz edip, taglymaty
öwretmekde zähmet çekýänler, iki esse
hormata laýyk görülsin. [18] Çünki Mukad-
des Ýazgylar: «Harman döwýän öküziň
agzyny baglamaň», «Işgär öz hakyna
mynasypdyr» diýýär. [19] Iki ýa üç şaýat
bolmasa, ýygnagyň ýolbaşçysy hakdaky
aýyplamany kabul etme. [20] Günäli çykan-
lary bolsa köpçüligiň öňünde paş et. Goý,
bu beýlekilere hem sapak bolsun. [21] Şu
buýruklary berjaý edeniňde, meseläniň
anygyna ýetmän, hiç kimi ýazgarma,
tarapgöýlik etme. Ine, şularyň baryny
Hudaýyň, Isa Mesihiň we saýlanan
perişdeleriň öňünde saňa berk tabşyr-
ýaryn. [22] Kimdir biriniň günäsine şärik
bolmaz ýaly, onuň başyna el goýup, ony
hyzmata bellemäge howlukma. Özüňi
päk sakla. [23] Mundan beýläk diňe suw
içmän, az-kem şerap hem iç. Bu aşga-
zanyňa we ýygy-ýygydan gaýtalanýan
nähoşlugyňdan saplanmaga ýardam
berer. [24] Käbir adamlaryň günäleri göz-
-görtele bolup, olar kyýamat gününden
öň äşgärdir. Käbirleriniň günäsi bolsa
wagtyň geçmegi bilen äşgär bolýar. [25] Şo-
nuň ýaly, oňat işleriňem käbirleri äşgär,
käbirleri bolsa äşgär däldir. Ýöne äşgär
dälleri hem iru-giç mälim bolýandyr.

## 6-njy bap

### *Gullar baradaky ündewler*

[1] Hudaýyň adyna we öwredýän tag-
lymatymyza dil ýetmez ýaly, gulçulyk
boýuntyrygy astyndakylaryň bary öz
hojaýynlaryny hormata mynasyp saýsyn.
[2] Hojaýynlary imanly bolan gullar: «Indi
biz dogandyrys» diýip, öz hojaýynlaryna
geleňsizlik etmesinler, tersine, öňküden-
de yhlasly hyzmat etsinler. Sebäbi olaryň
hojaýynlary imandaky eziz doganlary
bolup, ýagşylyk edýändirler. Bularyň
baryny öwret we ünde.

### *Ýalan mugallymlar barada duýduryşlar*

[3] Eger kimde-kim meniň öwreden-
lerimden özgesini öwretse, Rebbimiz
Isa Mesihiň sagdyn taglymatyny ýalan

---

[a] **5:16** ***Imanly aýalyň*** – käbir golýazmalarda *imanly erkegiň ýa aýalyň.*

---

**5:18** Kan 25:4; Luk 10:7.

saýyp, Hudaýyň ýörelgesine laýyk bo-
lan taglymaty oňlamaýan bolsa, 4 onda
ol hiç zada düşünmeýän tekepbirdir. Ol
jedelleşmek we sözleriň manysy barada
dawalaşmak keseline ýolugyp, göripli-
giň, agzalalygyň, töhmetleriň hem-de
erbet şübheleriň döremegine sebäp bolýar.
5 Bular zerarly pikirleri zaýalanan adam-
laryň arasynda agzalalyklar ýüze çykýar.
Olar hakykaty ýoýup, Hudaýyň ýörelgesi
gazanç ýoludyr öýdýärler.[a] 6 Hakykatda
bolsa, baryňa kaýyl bolup, Hudaýyň ýö-
relgesine eýermek uly gazançdyr. 7 Çünki
biz dünýä hiç zat getirmedik. Ondan
hiç zat äkidip bilmejegimiz hem mese-
-mälimdir. 8 Şonuň üçin-de, iýjegimiziň,
geýjegimiziň bardygyna şükür etmelidi-
ris. 9 Baýamakçy bolýanlar bolsa synaga
düşüp, akmak we erbet höwesleriň toruna
çolaşýandyrlar. Bu höwesler olary weý-
rançylyga we heläkçilige uçradýandyr,
10 sebäbi pul höwesi ähli bela-beteriň
körügidir. Käbir adamlar onuň yşkyna
düşüp, imandan azaşdylar, özlerini köp
görgülere sezewar etdiler.

### *Pawlusyň Timoteosa soňky ündewleri*

11 Emma sen, eý, Hudaýyň adamy, bu
zatlardan gaç. Dogrulyk, takwalyk, iman,
söýgi, sabyr-takatlyk we ýumşaklyk
ýörelgelerine eýer. 12 Iman ugrundaky
göreşde edermenlik bilen göreş we baky
ýaşaýşy makäm tut. Hudaý seni muňa
çagyrdy, sen hem imanyňy köp şaýadyň
öňünde doly ykrar edensiň. 13 Ähli zada
ýaşaýyş berýän Hudaýyň huzurynda we
Pontiý Pilatyň öňünde diňe Hudaýa bil
baglaýandygyny tassyklan Isa Mesihiň
huzurynda saňa şulary tabşyrýaryn:
14 Rebbimiz Isa Mesih gelýänçä, özüňe
buýrulanlary doly we birkemsiz berjaý
et. 15-16 Hudaý beýik we ýeke-täk Hö-
kümdardyr, Ol şalaryň Şasy, taňrylaryň
Taňrysy, ölmezligiň ýeke-täk Eýesidir.
Ol ynsanyň gözüni gamaşdyrýan nurda
ýaşaýar, Ony hiç bir ynsan görmedi, gö-
rüp-de bilmez. Ol Isa Mesihi Öz bellän
wagtynda iberer. Hormat we gudrat baky
Onuňky bolsun! Omyn.

17 Bu döwrüň baýlaryna tekepbir bol-
mazlygy tabşyr. Goý, olar ygtybarsyz,
wagtlaýyn baýlyga däl-de, bagtyýar
ýaşamagymyz üçin her zady bolelin ýe-
tirýän Hudaýa[b] bil baglasynlar. 18 Olara
ýagşylyk etmegi, ýagşy işler, sahylyk we
jomartlyk hazynasyny toplamagy buýur.
19 Şeýle hazyna olaryň gelejeginiň berk
binýady bolup, hakyky ýaşaýşa[ç] ýetirer.
20 Eý, Timoteos, özüňe ynanylyp berle-
ni gora. Boş gürrüňlerden we «bilim»
saýylýan gapma-garşy pikirlerden ýüz
öwür. 21 Sebäbi käbir adamlar bu ýalan
bilime ulaşyp, imandan azaşandyrlar.

Hudaýyň merhemeti, goý, size ýar
bolsun![d]

---

[a] **6:5** Käbir golýazmalarda *Beýle adamlardan gaça duruň* diýen jümle hem bar.
[b] **6:17** ***Hudaýa*** – käbir golýazmalarda *diri Hudaýa*.
[ç] **6:19** ***Hakyky ýaşaýyş*** – käbir golýazmalarda *baky ýaşaýyş*.
[d] **6:21** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Pawlusyň Timoteosa ikinji haty

## Giriş

Bu hat esasan-da Pawlusyň hyzmatdaşy we kömekçisi bolan Timoteosa berlen maslahatlardan ybaratdyr. Hatyň esasy mowzugy kynçylyklara we yzarlanmalara çydamly bolmak baradadyr. Pawlus Timoteosy goldap, oňa Isa Mesih baradaky şaýatlygyny dowam etmekligi, Täze we Köne Ähtiň hakyky taglymatyna eýermegi, mugallym we wagyzçy hökmünde öz borjuny berjaý etmegi maslahat berýär.

Pawlus Timoteosa aýratyn hem «boş we samsyk jedellerden gaça durmagy» ündäp, şeýle jedelleriň adamlaryň imanyny weýran edip bilýändigi barada duýdurýar.

Şular arkaly Timoteosa Pawlusyň durmuşy we şahsy göreldesi: imany, sabyrlylygy, söýgüsi, yzarlanmalardaky jebirleri we çydamlylygy barada ýatladylýar. Pawlus özüniň Isa Mesihe bolan imany üçin tiz wagtda öljekdigini, emma öz sadyklygy üçin baýrak aljakdygyny bilýär (4:6-8). Ol Timoteosa şeýle sözler bilen ýüzlenýär: *«Onuň bilen bile biz ölen bolsak, Onuň bilen bile ýaşajakdyrys. Görgülere çydaýan bolsak, Onuň bilen bile şalyk süreris»* (2:11-12a).

### *Mazmuny*


Salamlar we doga-dilegler ........ *1:1-2*
Şükürler we öwütler ........ *1:3–2:13*
Maslahatlar we duýduryşlar ........ *2:14–4:5*
Pawlusyň ýagdaýy ........ *4:6-18*
Soňky salamlar ........ *4:19-22*


---

### 1-nji bap

1-2 Isa Mesihiň resuly men Pawlusdan söýgüli oglum Timoteosa dogaýy salam! Hudaý meni Isa Mesih arkaly beren ýaşaýyş wadasyny jar etmek üçin saýlady. Goý, Atamyz Hudaýyň we Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti, rehim-şepagaty we parahatlygy saňa ýar bolsun!

### *Pawlus Timoteos üçin Hudaýa şükür edýär*

3 Men hem ata-babalarym ýaly Hudaýa päk wyždandan hyzmat edýärin.
Doga-dileglerimde seni gije-gündiz dyngysyz ýatlap, Hudaýyma şükür edýärin.
4 Men hoşlaşyk pursadyndaky gözýaşlaryňy ýatlaýaryn, şatlykdan dolmak üçin seniň bilen didarlaşmagy küýseýärin.

5 Seniň Isa Mesihe bolan hakyky ima-
nyňy ýatlaýaryn. Ozal mamaň Loýisiň,
ejeň Ewnikiniň kalbynda mesgen tutan
imanyň indi seniň kalbyňda hem ýaşa-
ýandygyna ynanýaryn.

### *Pawlus Timoteosa öwüt berýär*

6 Şonuň üçin, ýene-de bir gezek gaý-
talaýaryn: başyňa ellerimi goýmagym
arkaly Hudaýdan alan ruhy peşgeşiňi
parlat, 7 sebäbi Hudaý bizi gorkak et-
meýär. Ol bizi güýç, söýgi we özerklilik
bilen doldurýar. 8 Şonuň üçin-de, Reb-
bimiz barada şaýatlyk etmäge utanma.
Onuň hatyrasyna tussag edilenligimden-
de utanma. Tersine, Hudaýyň berýän
güýji bilen Hoş Habaryň ugrunda görýän
görgülerime şärik bol. 9 Hudaý bizi eden
işlerimize görä däl-de, Öz maksadyna
we merhemetine görä halas edip, Onuň
mukaddes halky bolmaga çagyrdy. Bu
merhemet dünýä ýaradylmazdan öň Isa
Mesih arkaly berlip, 10 şindi Halasgärimiz
Isa Mesihiň gelmegi bilen aýan edildi. Ol
ölümi ýok edip, Hoş Habar arkaly baky
ýaşaýşy we ölmezligi aýan etdi. 11 Men
hem bu Hoş Habaryň jarçysy, resuly
we öwredijisi [a] edilip bellendim. 12 Hut
şu sebäbe görä görgi baryny görýän
bolsam-da, mundan asla utanmaýaryn,
sebäbi Kime iman edenimi bilýärin.
Onuň maňa tabşyran zadyny kyýamat
gününe çenli saklamagy başarjakdygyna
berk ynanýaryn. 13 Saňa öwreden dogry
taglymatymy nusga hökmünde gaýym
tutup, Isa Mesihiň berýän imanyna we
söýgüsine eýer. 14 Özüňe tabşyrylan oňat
taglymaty bizde mesgen tutan Mukaddes
Ruh arkaly gora.

15 Sen Aziýa welaýatyndakylaryň
hemmesiniň, şol sanda Figeliň we
Hermogeniň menden ýüz öwrendiklerini
bilýänsiň. 16 Goý, Rebbimiz Onisiforyň
öý-içersine rehimdarlyk etsin. Sebäbi ol
ençeme gezek maňa göwünlik berip, me-
niň tussaglygymdan utanmady. 17 Tersine,
Rime gelip, tä meni tapýança, erjellik
bilen gözledi. 18 Goý, Reb kyýamat güni
oňa Öz rehimdarlygyny görkezsin! Onuň
Efesde maňa nähili ýardam berendigini
özüň-de bilýänsiň.

## 2-nji bap

### *Isa Mesihe sadyklyk bilen eýeriň*

1 Eý, oglum, Isa Mesihiň berýän merhe-
meti bilen kuwwatlan. 2 Köp şaýatlaryň
ýanynda menden eşiden sözleriňi beý-
lekilere-de öwredip biljek ygtybarly
adamlara tabşyr. 3 Isa Mesihiň hakyky
esgeri bolup, biziň iman ugrunda gör-
ýän görgülerimize şärik bol. 4 Harby
gullukdaky esger gündelik durmuşa
degişli işlere ulaşýan däldir. Ol öz ser-
kerdesiniň göwnünden turmak isleýändir.
5 Şunuň ýaly, ýaryşa gatnaşýan pälwan
hem ýaryşyň şertlerini berjaý etmese,
baýrak almaz. 6 Janypkeş daýhan hem
öz hasyl paýyny ilkinji bolup almalydyr.
7 Şu aýdýanlarym barada oýlan. Bularyň
baryna düşüneriň ýaly, Rebbiň Özi saňa
düşünje berer.

8 Dawudyň neslinden bolan we ölüm-
den direlen Isa Mesihi unutma. Bu
meniň wagyz edýän Hoş Habarym-
dyr. 9 Men Hoş Habaryň ugrunda görgi
baryny görüp, jenaýatçy kimin tussag
edildim. Emma Hudaýyň Hoş Habaryny
tussag edip bolýan däldir! 10 Ine, hut şu
sebäpden, saýlananlar hem baky şöhrat
bilen birlikde Isa Mesih arkaly halas
bolar ýaly, olaryň hatyrasyna ähli zada

[a] **1:11** ***Öwredijisi*** – käbir golýazmalarda *ýahudy dällere öwredijisi.*

döz gelýärin. 11 Ine, şu sözler örän dogry
aýdylan sözlerdir: Onuň bilen bile biz
ölen bolsak, Onuň bilen bile ýaşajakdy-
rys. 12 Görgülere çydaýan bolsak, Onuň
bilen bile şalyk süreris. Eger Ony ret
etsek, Ol hem bizi ret eder. 13 Emma biz
Oňa sadyk galmasak-da, Ol bize sadyk-
dyr, sebäbi Ol Özüni ret edip bilmeýär.

### *Hudaýyň halaýan işçisi*

14 Bu zatlary hemmelere ýatladyp dur.
Sözleriň manysy barada dawalaşmazlygy
olara Hudaýyň huzurynda berk tabşyr.
Sebäbi şeýle dawalar peýda getirmän,
diňleýänleri heläkçilige uçradýandyr.
15 Hudaýyň huzurynda öz edýäninden
utanmajak, hakyky taglymaty dogry
öwredýän işçi hökmünde durup bileriň
ýaly, jan-tenden yhlas et. 16 Hudaýa ýa-
ramaýan boş geplerden gaça dur. Sebäbi
şeýle geplere ulaşýan adamlar gitdigisa-
ýy Hudaýdan daşlaşýandyrlar. 17 Olaryň
öwredýän taglymaty bolsa ýokanç kesel
kimin ýaýrar. Himeneý bilen Filit hem
şolardan bolup, 18 hakykat ýolundan aza-
şandyrlar. Olar direliş eýýäm amala aşdy
diýip, käbir adamlaryň imanyny weýran
edýärler. 19 Emma her niçik bolsa-da,
Hudaýyň tutan binýady berk durandyr.
Bu binýat «Reb Özüniňkileri tanaýan-
dyr», «Rebbiň adyny ykrar edýän her
kes ýamanlykdan uzakda dursun» diýen
sözler bilen möhürlenendir.

20 Uly hojalykdaky gaplaryň ählisi
altyndan we kümüşden däldir. Olaryň
arasynda agaçdan, toýundan ýasalanla-
ry hem bardyr. Olaryň käbiri dabaraly,
käbiri bolsa adaty maksatlar üçin ulanyl-
ýandyr. 21 Imanlylar babatda hem şeýle:
özüni her tüýsli ýamanlykdan saklaýan
imanly ýörite saýlanylyp, Hojaýyny üçin
ýaramly gap kimin bolar. Ol islendik
ýagşy işler üçin taýýardyr.

22 Ýaşlyk höweslerinden gaç. Päk
ýürekden Rebbe ybadat edýänler
bilen birlikde dogrulyk, iman, söý-
gi we parahatlyk ýörelgelerine eýer.
23 Boş we samsyk jedellerden gaça
dur. Sebäbi dawalaryň şolardan dö-
reýändigini özüň bilýänsiň. 24 Rebbiň
hyzmatçysy dawalaşmaly däldir, tersi-
ne, hemmelere mylakatly, öwretmäge
ukyply, sabyr-takatly bolmalydyr. 25 Ol
özüne garşy çykýan adamlara hem ýum-
şaklyk bilen öwüt-ündew bermelidir.
Belki, Hudaý bu adamlaryň hem toba
gelmegine bir ýol açar. Olar-da haky-
katy bilip, 26 akylyna aýlanarlar, iblisiň
duzagyndan gutularlar. Sebäbi iblis
olary ýesirlige alyp, öz niýetini amala
aşyrmaga mejbur edýändir.

## 3-nji bap

### *Ahyrky günler barada*

1 Eý, oglum, ahyrky günlerde elhenç
pursatlaryň boljakdygyny bilip goý.
2 Adamlar diňe özüni söýýän, pula gyzan,
öwünjeň, tekepbir, Hudaýa dil ýetirýän,
ata-enesine boýun egmeýän, gadyr bil-
mez, adamlary sylamaýan, 3 doňýürek,
geçirimlilik etmeýän, myjabatçy, özüne
erk edip bilmeýän, zalym, ýagşylygy
ýigrenýän, 4 haýyn, göçgünli, gopbam-
sy bolup, keýpi-sapany Hudaýdan köp
söýerler. 5 Olar hudaýhonsyrasalar-da,
Hudaýyň güýjüni inkär edýändirler.
Beýle adamlardan arany aç. 6 Olar
adamlaryň öýlerine sümlüp girýärler.
Günäleri başyndan agdyk, her tüýsli
höweslere meýilli, ýeňles aýallary öz
tarapyna çekýärler. 7 Bu aýallar hemişe

**2:19** Çöl 16:5; Işa 26:13.

öwrenmäge synanyşsalar-da, hakykat
bilimine asla ýetip bilmeýärler. [8]Ýannis
bilen Ýambrisiň Musa garşy çykyşy
ýaly, bu adamlar hem hakykata gar-
şy çykýandyrlar. Olaryň pikiri bozuk,
imanlary bolgusyzdyr. [9]Olar öz ed-
ýänlerinde ilerlemezler. Ýannis bilen
Ýambrisiňki ýaly, olaryň-da akylsyzlygy
hemmelere belli bolar.

### *Timoteosa berilýän ündewler*

[10]Emma sen meniň taglymatymy, dur-
muş ýörelgämi, maksadymy, imanymy,
sabyr-takatymy, söýgimi, çydamlyly-
gymy bilýänsiň. [11]Antiýoh, Ikoniýa
we Listra şäherlerindäki yzarlanmalar
zerarly gören görgülerimi, olara nädere-
jede çydandygymy hem bilýänsiň. Reb
meni bu görgüleriň baryndan halas etdi.
[12]Umuman, Isa Mesihe eýerip, Huda-
ýyň ýörelgesine laýyklykda ýaşamak
isleýänleriň bary yzarlanmalara seze-
war bolar. [13]Pisler we kezzaplar bolsa
aldap, aldanyp, öz pisliklerinde barha
ilerlärler. [14]Emma sen öz öwrenen we
ynanýan taglymatyňa sadyk gal. Çünki
ony kimlerden öwrenendigiňi bilýänsiň.
[15]Sen Mukaddes Ýazgylary hem oglan-
lykdan bäri bilýänsiň. Bu Ýazgylar Isa
Mesihe bolan iman arkaly seni paýhasly
edip, halas bolmagyň ýoluny görkezer.
[16]Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň
ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek,
günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek,
dogrulykda terbiýelemek üçin peýdaly-
dyr. [17]Şeýdip, Hudaýyň adamy haýyr
işleriň ählisine taýýar we kämil bolar.

## 4-nji bap

### *Hyzmatyňy dowam et!*

[1]Hudaýyň huzurynda, şeýle hem
dirilere we ölülere kazylyk etjek Isa
Mesihiň huzurynda, Onuň gelmeginiň
we şalyk sürmeginiň hatyrasyna sa-
ňa şulary berk tabşyrýaryn: [2]pursadyň
amatly bolup-bolmazlygyna garama-da,
Hoş Habary dyngysyz wagyz et. Günä
edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyr-
lylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty
öwret. [3]Çünki adamlaryň sagdyn tagly-
maty diňläsi gelmejek zamanasy geler.
Şonda olar öz höweslerine ýaraşykly,
gulaklaryna-da ýakymly sözleri aýtjak
öwredijileri gözlärler. [4]Olar hakykata
gulak asman, toslamalaryň yzynda sel-
pärler. [5]Sen bolsa her ýagdaýda hüşgär
bol, görgülere dözümli bol, Hoş Habary
ýaýratmak ugrunda zähmet çek, özüňe
tabşyrylan hyzmaty doly bitir. [6]Çünki
meniň ganym Hudaýa hödür edilýän
içgi sadakasy kimin döküljek bolup
dur. Bu dünýäden ötmeli pursadym
ýetdi. [7]Men ökde söweşiji kimin söweş-
dim, pellehana ýetdim, imanyma sadyk
galdym. [8]Dogrulyk Kazysy bolan Reb
Isa Öz geljek gününde maňa dogrulyk
täjini baýrak berer. Ol bu baýragy diňe
maňa däl, eýsem Özüne intizarlyk bilen
garaşýanlaryň her birine berer.

### *Soňky tabşyryklar*

[9]Meniň ýanyma basymrak geljek bol,
[10]sebäbi Dema bu dünýäni söýensoň, me-
ni taşlap, Salonikä gitdi. Kriskis Galatýa,
Titus hem Dalmatýa gitdi. [11]Ýanymda
diňe Luka galdy. Gaýdanyňda Marky
hem alyp gaýt, sebäbi hyzmatymy bi-
tirmekde maňa kömegi deger. [12]Tihiki
bolsa Efese ýolladym. [13]Gaýdanyňda, ýol
ugruna Troasda Karbyň ýanynda goýup
gaýdan donumy, kitaplarymy, ylaýta-da
teletinden edilen kitaplary alyp gaýt.
[14]Demir ussasy Isgender maňa ýamanlyk
baryny etdi. Reb oňa edenlerine görä
jezasyny berer. [15]Sen hem ondan ägä

bol, sebäbi ol biziň aýdýanlarymyzyň
baryna bütinleý garşy çykypdy. 16 Ka-
zyýet mejlisinde özümi ilkinji gezek
aklamakçy bolanymda, tarapymy tutan
bolmady. Gaýtam, hemmeler meni terk
etdiler. Goý, Hudaý olaryň bu günäsini
bagyşlasyn. 17 Ýöne Reb meni ýeke goý-
mady. Hoş Habaryň men arkaly doly
wagyz edilip, ähli milletleriň hem ony
eşitmegi üçin, Ol maňa gujur-gaýrat ber-
di. Reb meni ölümiň penjesinden halas
etdi. 18 Ol meni her dürli ýamanlyklar-
dan halas edip, meni gökdäki Şalygyna
sag-aman ýetirer. Rebbe baky we ebedi
şan-şöhrat bolsun! Omyn.

19 Priskilla, Akila we Onisiforyň öýün-
däkilere salam aýt. 20 Erast Korintosda
galdy. Trofymy bolsa ýarawsyzlygy
sebäpli Militosda galdyrmaly boldum.
21 Gyş düşmänkä geljek bolup gaýrat
et. Ewul, Pudens, Linus, Klawdiýa we
imandaky doganlaryň bary saňa salam
aýdýar. 22 Reb saňa ýar bolsun! Onuň
merhemeti siziň baryňyza ýar bolsun!

# Pawlusyň Titusa haty

## Giriş

Pawlus Hoş Habary Aziýada we Gresiýada wagyz eden döwründe, Titus onuň bilen işläpdi. Olar Krit adasynda mesihiler ýygnagynyň düýbüni tutanlaryndan soň, Pawlus ýygnaga gözegçilik etmek üçin Titusy şol ýerde goýup gaýdýar. Soňra ol esasy üç mesele boýunça şu haty ýazýar.

Birinjiden, Titusa ýygnagyň ýolbaşçylygyna belleniljek adamyň nähili bolmalydygy barada ýatladylýar. Ikinjiden, ýygnakdaky dürli toparlara: gojalara, garry aýallara (olar bolsa öz gezeginde ýaş gelinlere), ýigitlere, gullara nädip öwretmelidigi barada Titusa maslahatlar berilýär. Üçünjiden, Pawlus Titusa mesihilik häsiýetleri barada ýazýar. Ol parahat, mähirli bolmalydygy, ýygnakda bölünişikleriň döremezligi üçin ýigrençden we jedellerden gaça durmagy aýratyn ündeýär.

***Mazmuny***


Salamlar we doga-dilegler........ *1:1-4*
Ýygnak ýolbaşçysy........ *1:5-16*
Ýygnakdaky dürli toparlaryň wezipeleri........ *2:1-15*
Öwütler we duýduryşlar........ *3:1-11*
Jemleme........ *3:12-15*


---

### 1-nji bap

1 Hudaýyň guly we Isa Mesihiň resuly
men Pawlusdan dogaýy salam! Hudaý
Öz saýlan adamlarynyň iman getirmegi we Onuň ýörelgesine gönükdirýän
hakykaty bilmegi üçin meni resullyga
belledi. 2 Hudaýyň bu ýörelgesi baky
ýaşaýyş umydyny berýär. Sözünde asla
ýalan bolmadyk Hudaý bu ýaşaýşy dünýä ýaradylmazdan öň wada berip, 3 ony
Hoş Habar arkaly Öz bellän wagtynda
aýan etdi. Halasgärimiz Hudaý bu Hoş
Habaryny wagyz etmegi maňa tabşyrdy.
4 Eý, Titus, imanymyzyň bir bolandygy
üçin, men seni hakyky oglum saýýaryn.
Goý, Atamyz Hudaýyň we Halasgärimiz
Isa Mesihiň merhemeti [a] we parahatlygy
saňa ýar bolsun!

#### *Titusyň Krit adasyndaky wezipesi*

5 Saňa buýruşym ýaly, tamamlanylmadyk işleri bitir, her şäherdäki imanlylar
ýygnagyna ýolbaşçylary belle. Ine, hut

---

[a] **1:4** Käbir golýazmalarda *rehimdarlygy* diýen söz hem bar.

şu maksat bilen men seni Krit adasynda
goýup gaýdandyryn. 6Ýygnaga ýolbaşçy
belleniljek adam müýnsüz we aýalyna
biwepalyk etmeýän bolmalydyr. Onuň
çagalary hem iman edýän, azgynlykda,
bitabynlykda aýyplanmaýan bolmalydyr.
7Ýygnagyň ýolbaşçysy Hudaýa hyzmat
edýär. Şoňa görä-de, ol müýnsüz bolma-
lydyr. Ol özdiýenli, gyzma, şeraba meýilli,
uruşgan bolmaly däl, gara nebsine çap-
man, 8eýsem myhmansöýer, ýagşylyk
etmäge höwesjeň, parasatly, adalatly,
takwa, nebsine buýrup bilýän bolma-
lydyr. 9Ol özüne öwredilen ygtybarly
taglymata sadyklyk bilen eýermelidir.
Başgalara hem bu taglymata laýyklykda
öwüt-ündew berip, oňa garşy çykýan-
laryň ýalňyşýandyklaryny subut etmeli.
10Sebäbi pitneçiler, ýaňralar we kezzaplar
diýseň köpdür. Şeýle adamlar, esasan-da,
halas bolmak üçin sünnet edilmelidigini
ündeýänleriň arasynda bardyr. 11Olaryň
agzyny baglamak gerek. Çünki olar ýyg-
naklarda öwretmesiz zatlary öwredip,
maşgalalary bütinleý dargadýarlar. Iň
erbedi-de, olar bulary pul gazanmak üçin
öwredýärler. 12Olaryň bir akyldary şeýle
diýipdir: «Krit adasynyň halky elmyda-
ma ýalan sözleýär; olar ýyrtyjy haýwanlar,
asla garny doýmaýar». 13Bu gaty jaýdar
aýdylan sözlerdir. Şonuň üçin-de, sag-
dyn imanly bolmaklary üçin, olary paş
et. 14Goý, olar ýahudy rowaýatlaryna we
hakykaty ret edýänleriň buýruklaryna
gulak gabartmasynlar. 15Kalby päkler
üçin hemme zat päkdir, ýöne azgynlar
we iman getirmedikler üçin ýekeje-de
päk zat ýokdur. Olaryň aň-düşünjeleri-
de, ynsaplary-da murdar bolandyr. 16Olar
Hudaýy tanaýarys diýseler-de, edýän
işlerinde Ony ret edýändirler. Olar nejis,
boýunegmezek bolup, ýagşylyk etmäniň
nämedigini-de bilmeýärler.

## 2-nji bap

### *Sagdyn taglymat hakyndaky öwüt-ündewler*

1Sen bolsa sagdyn taglymata laýyk
gelýän zatlary öwret. 2Gojalara parasatly,
hormata mynasyp, özlerine erk edip
bilmekleri, iman, söýgi we sabyr-takat
babatda sagdyn bolmaklaryny ünde.
3Şonuň ýaly, garry aýallar hem gybata,
şeraba ýykgyn etmän, tersine, Hudaýyň
halkyna gelişýän tärde ýaşap, hemme-
lere ýagşy zatlary öwretmeklerini ünde.
4-5Hudaýyň Hoş Habaryna dil ýetirilmez
ýaly, goý, bu garry aýallar gelinlere öz
ärlerini, çagalaryny söýmegi, özlerine
erk etmegi, päk ahlakly, öýleri babat-
da yhlasly, mylaýym we ärlerine tabyn
bolmagy öwretsinler. 6Ýaş ýigitlere hem
özlerine erk etmegi ünde. 7Ýagşy işle-
riň bilen olara ähli zatda görelde bol.
Taglymaty sap ýürekden agraslyk bilen
öwret, 8sözleriň müýnsüz we şübhesiz
bolsun. Şonda bize garşy çykýanlar ýa-
manlamaga gep tapman, utanja galarlar.
9Gullara öz hojaýynlaryna her zatda
tabyn bolmagy we olaryň göwnünden
turmagy ünde. Olar hojaýynlara dil
gaýtarmasynlar, 10zat ogurlamasynlar,
gaýtam her zatda örän wepaly bolsun-
lar. Şeýdip, olar Halasgärimiz Hudaýyň
taglymatynyň her jähtden ajaýypdygyny
tassyklarlar. 11Çünki Hudaýyň hemme-
leri halas edýän merhemeti äşgär boldy.
12Bu merhemet bize hudaýsyzlygy we
dünýewi höwesleri ret etmegi öwredýär,
bu döwürde özümize erk etmegi, dogry
ýaşamagy, Hudaýyň ýörelgesine eýer-
megi ündeýär. 13Biz bu ýörelgä eýerip,
ajaýyp umydymyz bolan beýik Huda-
ýymyz we Halasgärimiz Isa Mesihiň
şan-şöhrat içinde göklerden inmegine

garaşýarys. [14]Isa Mesih bizi ähli günä-
lerden halas etmek üçin, Özüni gurban
etdi. Ol muny Özüne ýagşylyk etmekde
erjel, päk, eziz bir halky gazanmak üçin
etdi. [15]Hawa, bularyň baryny öwret.
Doly ygtyýar bilen öwüt-ündew ber,
günä edýänleri paş et. Goý, hiç kim seni
äsgermezlik etmesin.

### 3-nji bap

#### *Imanlylara gelişýän ýörelge*

[1]Eý, oglum, imanlylara häli-şindi şula-
ry ýatladyp dur: goý, olar hökümdarlara
we ygtyýarlylara gulak asyp, olara tabyn
bolsunlar, islendik wagt ýagşylyk etmäge
taýyn bolsunlar. [2]Hiç kimi ýamanla-
masynlar, dawa-jenjelden gaça durup,
mylaýym we hemmelere ýumşak bolsun-
lar. [3]Birwagtlar biz hem aň-düşünjesiz,
boýnuýogyn bolup, ýoldan azaşypdyk,
dürli höwesleriň, keýpi-sapanyň gulla-
ryna öwrülipdik, gaharjaňdyk, göripdik
we birek-biregi ýigrenýärdik. [4]Emma
Halasgärimiz Hudaýyň mähremligi,
ynsana bolan söýgüsi äşgär bolanda,
[5]biz dogrulyga daýanyp eden işlerimiz
arkaly däl-de, Onuň rehim-şepagaty
arkaly halas edildik. Hudaý bizi Mu-
kaddes Ruh arkaly özgerdip, gaýtadan
dogluş arkaly tämizledi. [6-7]Biz Hudaýyň
merhemeti bilen aklanyp, Onuň baky
ýaşaýşa umyt baglaýan mirasdüşerleri
bolar ýaly, Hudaý bize Halasgärimiz Isa
Mesih arkaly Mukaddes Ruhy boldan-
-bol eçildi. [8]Bu sözleriň bary hakykatdyr.
Hudaýa iman edenleriň ýagşylyk et-
mekde ilerlemekleri üçin, bu zatlary
nygtamagyňy isleýärin. Bu zatlar yn-
sanlar üçin oňat we peýdalydyr. [9]Boş
çekeleşiklerden, nesil daragtlary we
Mukaddes Kanun hakdaky dawa-jenjel-
lerden gaça dur. Sebäbi bular peýdasyz,
biderek zatlardyr. [10]Agzalalyk döredýän
adama birki gezek öwüt-nesihat ber.
Emma şonda-da pälinden gaýtmasa,
ondan gaça dur. [11]Beýle adamyň ýol-
dan azaşyp, günä edýändigini, höküm
edilmä tutaryk berýändigini özüň-de
bilýänsiň.

#### *Islegler we salamlar*

[12]Men Artamy ýa-da Tihiki seniň
ýanyňa ýollamakçy. Olardan biri baran-
dan soň, gaýrat edip, Nikopolise, meniň
ýanyma geljek bol. Sebäbi men gyşy
şu ýerde geçirmegi ýüregime düwdüm.
[13]Kanunçy Zenasy we Apollony ýola
salmazdan öň, olaryň ýol şaýlarynyň
gurat bolmagy barada alada et. [14]Bi-
ziňkiler hem miwesiz ömür sürmez
ýaly, mätäçlere ýardam bermek arkaly
ýagşylyk etmegi adat edinsinler. [15]Me-
niň ýanymdakylaryň ählisi saňa salam
aýdýar. Sen hem bizi söýýän imanly
doganlarymyzyň baryna salam aýt. Goý,
Hudaýyň merhemeti siziň baryňyza ýar
bolsun! [a]

---

[a] **3:15** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Pawlusyň Filimuna haty

## Giriş

Filimun tanymal mesihileriň biri bolup, Kolosiýadaky ýygnagyň agzasy bolan bolmagy ahmal. Onuň Onesim atly guly bolupdyr. Onesim öz hojaýynyndan gaçýar we günleriň birinde tussaglykda oturan Pawlus bilen tanyşýar. Onesim Pawlus arkaly Isa Mesihe iman edýär. Pawlus Filimuna hat ýazyp, Onesimi yzyna iberýändigini aýdýar. Ol ondan öz guly bilen ýaraşmagyny, Onesimi diňe günäsi geçilen gul hökmünde däl, eýsem mesihi dogany hökmünde kabul etmegini haýyş edýär.

***Mazmuny***


Filimuna ýüzlenme........................................................................*1:1-3*
Filimun üçin şükürler.....................................................................*1:4-7*
Onesim baradaky haýyş ..................................................................*1:8-22*
Soňky salamlar we doga-dilegler......................................................*1:23-25*


---

### 1-nji bap

1-2 Isa Mesih ugrunda tussaglykda otu-
ran men Pawlusdan eziz dostumyz we
işdeşimiz Filimuna, aýal doganymyz
Affiýa, söweşdeş ýoldaşymyz Arhi-
pa we seniň öýüňde bolýan imanlylar
ýygnagyna dogaýy salam! Doganymyz
Timoteos hem size salam aýdýar. 3 Ata-
myz Hudaýyň we Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemeti, parahatlygy, goý, size ýar
bolsun!

***Şükürler we doga-dilegler***

4-5 Men seniň Rebbimiz Isa Mesihe
bolan imanyň we tutuş Hudaýyň halky-
na bolan söýgiň hakda eşidýärin. Şoňa
görä-de, seni hemişe doga-dileglerimde
ýatlap, Hudaýyma şükür edýärin. 6 Men
bizi birikdirýän imana görä hereket
etmegiňi Hudaýdan dileýärin. Şonda sen
Isa Mesihe hyzmat etmek üçin edilmeli
ýagşy işlere düşünersiň. 7 Eý, doganym,
sen Hudaýyň halkyny söýüp, onuň göw-
nüni galkyndyrdyň. Bu meni şatlyga
besläp, ýüregime teselli berdi.

***Pawlusyň Onesim baradaky haýyşy***

8 Men Isa Mesihiň maňa berýän ygty-
ýary bilen saňa etmeli işleriňi buýrup-da
bilerdim, 9 ýöne söýginiň hatyrasyna
saňa ýalbarýaryn. Hawa, Isa Mesihiň
ugrunda tussaglykda oturan men goja
Pawlus, 10 tussaglyk döwrümde maňa
ogul bolan Onesim üçin ýalbarýaryn.
11 Birwagtlar onuň saňa hiç ýardamy
ýokdy, emma indi onuň saňa-da, maňa-
da ýardamy degýär. 12 Ýüregim bolan

Onesimi yzyna, seniň ýanyňa ýollaýa-
ryn[a]. 13 Hoş Habar ugrunda tussag edilen
döwrümde seniň ýeriňe maňa hyzmat
etsin diýip, ilki ony öz ýanymda alyp
galmakçydym. 14 Ýöne etjek ýagşylygyň
mejbury däl-de, meýletin bolar ýaly,
senden birugsat hiç zat edesim gelmedi.
15 Kim bilýär, belki, Onesimiň hemişelik
saňa dolanyp barmagy üçin, ol senden
wagtlaýyn aýrylandyr. 16 Ol indi diňe
guluň däl, eýsem söýgüli doganyň bol-
dy. Ol meniň üçin örän ezizdir. Ýöne ol
hem guluň, hem-de Reb arkaly doganyň
bolup, seniň üçin has-da ezizdir. 17 Şoňa
görä-de, meni dostuň hökmünde gör-
ýän bolsaň, ony meni kabul edýän ýaly
kabul et. 18 Eger Onesim zerarly zyýan
çeken bolsaň ýa-da ondan algyň bar bol-
sa, olary meniň hasabyma ýaz. 19 Men,
Pawlus, muny öz elim bilen ýazýaryn:
men Onesimiň bergisini bererin. Ýöne
sen hem halas bolmagyňa meniň ýardam
berendigimi unutma! 20 Şoňa görä-de, eý,
dogan, Rebbiň haky üçin maňa ýardam
et. Mesihiň hatyrasy üçin göwnümi gal-
kyndyr. 21 Sözüme gulak asjakdygyňa,
aýdanlarymy aňry ýany bilen ýerine
ýetirjekdigiňe gözüm ýetensoň, şulary
saňa ýazýaryn. 22 Ýene bir haýyş: meni
myhman alar ýaly bir otagy taýynlap
goý, sebäbi Hudaý doga-dilegleriňizi
eşidip, meni ýene ýanyňyza gaýtarar
diýen umydym bar.

### *Salamlar*

23-24 Isa Mesihiň ugrunda meniň bilen
tussaglykda bile bolýan Epafra, egindeş-
lerim Mark, Aristarh, Dema we Luka
dagy saňa salam aýdýarlar. 25 Rebbimiz
Isa Mesihiň merhemeti size ýar bolsun!

[a] **1:12** Käbir golýazmalarda *Ony kabul et* diýen jümle hem bar.

# Ýewreýlere hat

## Giriş

Ýewreýlere hat gitdigisaýy möwjeýän garşylyklar zerarly imandan dänme howpuna uçran mesihiler üçin ýazylandyr. Awtor Hudaýyň hakyky we iň soňky aýanlygynyň dogrudan-da Isa Mesihdigini nygtap, olary imanda berk durmaga çagyrýar. Ol üç hakykaty aýratyn belläp geçýär: (1) Isa Mesih Hudaýyň ebedi Ogludyr. Ol öz çeken jebir-jepalary arkaly Atasyna bütinleý tabyn bolmagy öwrendi. Hudaýyň Ogly hökmünde Isa Mesih Köne Ähtiň pygamberlerinden, perişdelerden, hatda Musa pygamberden-de beýikdir. (2) Isa Mesih Hudaý tarapyndan Baky Ruhany diýip yglan edilip, Köne Ähtiň ruhanylaryndan hem beýikdir. (3) Iman edýän adam Isa Mesih arkaly günäden, gorkulardan we ölümden halas edilýär. Ýahudylaryň dininde Hudaýyň gazabyndan halas bolmak üçin ýörite däp-dessurlar berjaý edilip, köp mal gurbanlyk berilýärdi. Bularyň bary bütinleý nogsansyz Baş Ruhany Isa Mesih arkaly halas edilmekligiň kölegesidi. Ysraýylyň taryhyndaky tanymal adamlaryň imanlaryny mysal getirmek arkaly (11-nji bap) awtor öz okyjylaryny imanda sadyk galmaga çagyrýar. 12-nji bapda bolsa olara gözlerini Isa Mesihe dikip, jebir-jepalara we yzarlanmalara garamazdan, imanlaryny soňuna çenli saklamagy ündeýär. Ýewreýlere hat öwüt-ündew we duýduryş sözleri bilen tamamlanýar.

### *Mazmuny*


Mesih Hudaýyň jemleýji aýanlygydyr ........ *1:1-3*
Isa Mesih perişdelerden üstündir ........ *1:4–2:18*
Isa Mesih Musa we Ýeşuwa pygamberlerden beýikdir ........ *3:1–4:13*
Isa Mesih beýik Baş Ruhanydyr ........ *4:14–7:28*
Isa Mesihiň ähti iň beýik ähtdir ........ *8:1–9:22*
Isa Mesih iň soňky gurbanlykdyr ........ *9:23–10:39*
Imanyň ähmiýeti ........ *11:1–12:29*
Hudaýy hoşnut edýän işler ........ *13:1-19*
Jemleýji doga-dilegler ........ *13:20-21*
Jemleme ........ *13:22-25*

## 1-nji bap

### *Ogul perişdelerden üstündir*

[1]Hudaý gadym döwürde ata-babalary-
myza pygamberler arkaly köp gezek we
dürli ýollar bilen gepledi. [2]Bu ahyrky
günlerde bolsa Ol bize Öz Oglunyň [a]
üsti bilen gepledi. Ogly arkaly Hudaý
älem-jahany ýaradyp, Ony ähli zadyň
mirasçysy edip belledi. [3]Ogul Hudaýyň
şöhratynyň ýalkymydyr, Onuň barly-
gynyň keşbidir. Ol bütin älem-jahany
gudratly sözi bilen saklap, bizi günäler-
den päkländen soň, gökde beýik Hudaýyň
sagynda oturdy. [4]Şeýlelikde, Oglunyň
perişdelerden üstün bolşy ýaly, Oňa ber-
len at hem perişdeleriňkiden üstün boldy.
[5]Eýsem Hudaý perişdeleriň haýsy
birine: «Sen Meniň Oglumsyň, bu gün
Men Saňa Ata boldum» ýa-da «Men Oňa
Ata, Ol bolsa Maňa Ogul bolar» diýipdir?
[6]Hudaý ýeke-täk Ogluny dünýä iberen-
de: «Goý, Hudaýyň ähli perişdeleri Oňa
sežde etsinler!» diýdi. [7]Hudaý perişdeler
hakda: «Men perişdelerimi ýel edýärin,
hyzmatkärlerimi ot-alaw edýärin» diý-
ýär. [8]Emma Ogla şeýle diýýär:

«Eý, Hudaý, Seniň şalygyň
dowam eder baky ebedi,
Seniň şalyk hasaň – adalatlylyk
hasasy.
[9] Sen dogrulygy söýüp,
ýigrenýärsiň pisligi.
Şonuň üçin Men Hudaý, Seniň
Hudaýyň,
Seni ýoldaşlaryň içinden
seçip-saýladym,
başyňa şatlyk ýagyny guýdum [b]».

[10]Ogla ýene-de şeýle diýýär:

«Ýa Reb, Sen gadymyýetde ýeriň
binýadyn tutduň,
gökler hem Seniň elleriňiň işidir.
[11] Olar ýitip gider, Sen bolsa dowam
edersiň,
olar köne eginbaş kimin dargap
giderler.
[12] Sen olary köýnek kimin
düýrlärsiň;
olar tozup gidýän eginbaş kimin
çalşyrylar.
Emma Sen hiç haçan
üýtgemersiň,
soňy ýokdur Seniň ýyllaryň».

[13]Hudaý haýsy perişdä:

«Duşmanlaryňy aýak astyna
salýançam,
Meniň sagymda otur» diýipdir?

[14]Şeýlelikde, ähli perişdeler diňe halas
boljaklara hyzmat etmek üçin iberilýär.

## 2-nji bap

### *Biparh bolmaň*

[1]Şonuň üçin imandan dänmez ýaly,
eşidenlerimize has köp üns bermelidi-
ris. [2]Hudaýyň perişdeler arkaly aýdan
habary berk bolup, günä edenler ýa-da

---

[a] **1:2** ***Öz Ogly*** – Köne Ähtde patyşalar «Hudaýyň ogly» diýip atlandyrylypdy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlükde «Hudaýyň Ogly» sözüne seret.

[b] **1:9** ***Ýag guýdum*** – kimdir biriniň başyna ýag guýup, patyşalyga ýa-da ruhanylyga belleme dessury. Sözlüge seret.

---

**1:5** Zeb 2:7; 2Şam 7:14. **1:6** Kan 32:43. **1:7** Zeb 103:4. **1:8-9** Zeb 44:6-7. **1:10-12** Zeb 101:25-27. **1:13** Zeb 109:1.

bitabyn bolanlar öz adalatly almytyny
alýardylar. 3 Indi biz şundan soň halas
bolmagyň bu ajaýyp ýoluny inkär et-
sek, onda heý-de jezadan halas bolup
bilerismi? Halas bolmagyň bu ýoluny
owal-başda Reb yglan etdi we muny
Isa Mesihiň hut Özünden eşidenler
tassykladylar. 4 Hudaýyň Özi hem ala-
matlar, mugjyzalar, her dürli gudratlar
görkezmek bilen bu habary tassyklady
we Öz islegine görä Mukaddes Ruhuň
peşgeşlerini paýlady.

### *Isa ynsan bolup geldi*

5 Biziň gürrüňini edýän geljekki dün-
ýämizi Hudaý perişdelere tabyn etmedi.
6 Tersine, Mukaddes Ýazgylaryň bir ýe-
rinde şeýle şaýatlyk edilýär:

«Adam näme Sen ony ýatlaryň
ýaly?
Ynsan ogly näme aladasyny
ederiň ýaly?
7 Ony perişdelerden biraz wagtlyk
pes tutduň.
Oňa şöhrat bilen hormat
jygasyny geýdirdiň[a],
8 ähli zady aýagynyň astynda
goýduň».

Hudaý ähli zady onuň aýagynyň as-
tynda goýdy, oňa tabyn däl zat goýmady.
Ýöne ähli zadyň oňa tabyndygy häzirki
wagtda bize aýdyň görünmeýär. 9 Em-
ma biz şöhrat we hormat täjiniň Isa
geýdirilendigini görýäris, sebäbi Ol
biziň üçin ölüme döz geldi. Hawa, Ol
perişdelerden biraz wagtlyk pes tutulyp,
Hudaýyň merhemeti bilen ähli ynsanlar
üçin jebir çekip öldi.
10 Isany jebirli ölümi arkaly kämil et-
meklik hemme zady Özi üçin we Özi
arkaly ýaradan Hudaýa ýaraşdy. Sebä-
bi Hudaý Onuň ölümi arkaly ençeme
ogullary şöhrata besledi. 11 Ynsanlary
mukaddes edýän Isa we Ol arkaly mukad-
des edilenler indi bir maşgala degişlidir.
Şonuň üçin hem Isa olara dogan diýmek-
den utanmaýar. 12 Ol Hudaýa şeýle diýýär:

«Seniň adyňy doganlaryma yglan
ederin,
jemagatyň ortasynda Saňa
şöhrat aýdaryn».

13 Ol ýene-de şeýle diýýär:

«Men Oňa umyt baglaryn».

Soňra ýene şeýle diýýär:

«Ine, Men we Hudaýyň Maňa
beren çagalary».

14 Bu çagalar ynsan bolandyklary üçin,
Isa hem olar ýaly ynsan boldy. Ölüme
duçar edýän iblisi Ol Öz ölümi arkaly ýok
etdi we 15 ömürboýy ölüm gorkusynyň
gulçulygyndaky ynsanlaryň hemmesini
azat etdi. 16 Isa perişdelere däl-de, eýsem
Ybraýymyň nesillerine ýardam edýär.
17 Şonuň üçin Ol her jähtden biz doganla-
ryna meňzemeli boldy. Şeýdip, Ol halkyň
günälerini päkleýändir we Hudaýyň
hyzmatynda rehimdar hem sadyk Baş
Ruhanydyr. 18 Isanyň Özi synaga salnyp,
görgi baryny görendigi üçin, synaga
düşenlere kömek etmegi başarýandyr.

## 3-nji bap

### *Isa Musadan beýikdir*

1 Şonuň üçin hem, eý, meniň bilen bile
Hudaý tarapyndan çagyrylan mukaddes

---

[a] **2:7** Käbir golýazmalarda *Öz elleriňiň işleriniň üstünden Ony Hökümdar goýduň* diýen jümle hem bar.

**2:6-9** Zeb 8:4-6. **2:12** Zeb 21:23. **2:13** Işa 8:17-18.

doganlar, ähli oý-pikiriňiz Isada bol-
sun! Ol Hudaýyň Resuly we biziň ykrar
edýän Baş Ruhanymyzdyr. 2 Musanyň
Hudaýyň öýünde sadyk hyzmatkär bolşy
ýaly, Isa hem Özüni ruhanylyga bellän
Hudaýa sadyk boldy. 3 Öý guran adamyň
öýe garanda has hormatly bolşy ýaly,
Isa-da Musa garanda has beýik şöhra-
ta mynasyp boldy. 4 Her bir öý kimdir
biri tarapyndan bina edilýändir, emma
ähli zadyň binagäri Hudaýdyr. 5 Musa
geljekde aýan ediljek sözlere şaýatlyk
etmek üçin, hyzmatkär kimin Huda-
ýyň öýüne sadyk boldy. 6 Emma Mesih
Hudaýyň öýüne Ogul hökmünde sadyk-
dyr. Eger gaýratymyzy we magtanýan
umydymyzy saklamagy[a] başarsak, biz
Hudaýyň öýüdiris.

### *Imandan dänmäň*

7 Şonuň üçin Mukaddes Ruhuň aý-
dyşy ýaly:
«Bu gün siz Meniň sesimi eşitseňiz,
8 Maňa baş galdyran atalaryňyz
deý ýüregiňizi gatatmaň.
Olaryň Meni çölde synaýşy ýaly
doňýürek bolmaň.
9-10 Kyrk ýyllap eden işlerimi
görseler-de,
ol ýerde atalaryňyz Meni synap
gördüler.
Şonuň üçin Men bu nesle
gazaplanyp diýdim:
„Olaryň ýüregi hemişe Menden
uzakdyr,
Meniň ýollarymdan ýöreýän
däldirler“.
11 Şoňa görä, olar dynçlyk
mekanyma girmezler diýip,
Öz gazabymda Men kasam
etdim».
12 Eziz doganlar, habardar boluň! Siziň
hiç biriňizde ýaman niýetli, imansyz ýü-
rek bolmasyn, bular sizi diri Hudaýdan
daşlaşdyrmasyn. 13 Tersine, her güni
«Bu gün» diýip hasaplap, biri-biriňizi
ruhlandyryň. Şeýdip, siziň hiç biriňiz
günäniň toruna düşüp, doňýürek bol-
maň. 14 Biz owal-başdaky ynamymyzy
soňuna çenli berk saklasak, Mesih bilen
şärikdeş bolýarys. 15 Ozal aýdylyşy ýaly:
«Bu gün siz Meniň sesimi
eşitseňiz,
Maňa baş galdyran atalaryňyz
deý ýüregiňizi gatatmaň».
16 Onuň sesini eşidibem pitne turzanlar
kimlerdi? Eýsem bular Musanyň Mü-
sürden çykaranlary dälmidi? 17 Hudaý
kyrk ýyllap kime gazaplandy? Günä
edenlere dälmi näme? Olaryň jesetleri
çölde serildi. 18 Hudaý: «Olar dynçlyk
mekanyma girmezler» diýip, kimler hak-
da kasam etdi? Özüne tabyn bolmaýan
adamlar hakda dälmi näme? 19 Şeýlelik-
de, biz olaryň ynanmandyklary zerarly
wada berlen ýere girip bilmändiklerini
görýäris.

## 4-nji bap

### *Hudaýyň dynçlyk mekany*

1 Hudaýyň dynçlyk mekanyna girmek
hakyndaky wadasy henizem güýjüni
saklaýandyr. Şonuň üçin-de, hüşgär
boluň, araňyzdan hiç kim dynçlyk me-
kanyna girmekden mahrum bolmasyn.
2 Edil ysraýyl halkyna wagyz edilişi
ýaly, Hoş Habar bize-de wagyz edildi.

---

[a] **3:6** ***Saklamagy*** – käbir golýazmalarda *ahyryna çenli saklamagy.*

---

**3:7-11** Zeb 94:7-11. **3:15** Zeb 94:7-8. **3:16-19** Çöl 14:1-35. **3:17** Çöl 14:29.

Olaryň eşiden habarynyň olara hiç bir
peýdasy bolmady, sebäbi olar muny iman
bilen kabul etmediler. [3]Biz bolsa iman
edendigimiz üçin, dynçlyk mekanyna
gireris. Iman etmedikler hakda bolsa
Hudaý şeýle diýdi:

«Şoňa görä, olar dynçlyk
mekanyma girmezler diýip,
Öz gazabymda Men kasam
etdim».

Ol bu ýeriň hatda dünýä ýaradylaly bäri
taýyn edilendigini aýtdy. [4]Biz onuň ta-
ýyndygyny bilýäris, sebäbi Sabat güni
hakda Mukaddes Ýazgylaryň bir ýerinde:
«Hudaý ýedinji gün ähli işini tamamlap
dynç aldy» diýip ýazylandyr. [5]Emma ýe-
ne ýokarda aýdylanlar gaýtalanýar: «Olar
dynçlyk mekanyma asla girmezler».

[6]Şonda-da käbir adamlar üçin ol ýere
girmäge henizem mümkinçilik bardyr,
bu mekan hakda ilkinji eşidenler Hudaýa
boýun egmändikleri sebäpli, oňa girmek-
den mahrum boldular [7]Köp ýyllardan
soňra Hudaý «Bu gün» diýen ýene bir
güni belläp, bu hakda Dawut arkaly ozal
aýdylyşy ýaly gepledi: «Bu gün Onuň
sesini eşitseňiz, ýüregiňizi gatatmaň».
[8]Eger Ýeşuwa olary dynçlyk mekanyna
ýetiren bolsady, onda Hudaý mundan soň
başga gün barada söz açmazdy. [9]Şunluk-
da, Hudaýyň halkyna Sabat güni ýaly
ýörite bir dynçlyk garaşýar. [10]Hudaý
Öz işlerinden dynyp, nähili dynç alan
bolsa, Onuň dynçlyk mekanyna giren
adam hem öz işlerinden dynyp, şeýle
dynç alýandyr. [11]Şonuň üçin, geliň, şol
dynçlyk mekanyna girmek üçin jan ede-
liň. Hiç kim ysraýyl halky ýaly Hudaýa
bitabynlyk edip, dynçlykdan mahrum
bolmasyn.

[12]Hudaýyň sözi janly hem täsirlidir,
her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol
jan bilen ruhy, bogunlar bilen ýiligi ikä
bölýändir. Kalbyňdaky ähli pikirleri we
niýetleri aýan edýändir. [13]Hudaýdan
gizlin ýaradylan hiç zat ýokdur, Onuň na-
zarynda ähli zat açyk we mese-mälimdir.
Biz Oňa hasabat bermelidiris.

### *Isa – Baş Ruhanymyz*

[14]Şeýlelikde, ykrar eden imanymyzy
berk saklalyň! Çünki biziň göge çykyp,
Hudaýyň huzuryna baran beýik Baş
Ruhanymyz bar. Ol Hudaýyň Ogly [a]
Isadyr. [15]Baş Ruhanymyz asla günä
etmedik hem bolsa, edil biz ýaly ähli
tarapdan synaglara salnypdy. Şonuň üçin
hem Ol biziň ejizliklerimize düşünýär.
[16]Geliň, merhemetli Hudaýyň tagtyna
batyrgaýlyk bilen golaýlaşalyň. Şonda
Ol merhemet edip, zerur wagtda bize
ýardam berer.

## 5-nji bap

[1]Her bir baş ruhany ynsanlar arasyndan
saýlanýar. Ol Hudaýyň huzurynda halka
wekilçilik etmek üçin bellenilip, günäler
üçin Hudaýa sadakalar we gurbanlyk-
lar hödürleýär. [2]Baş ruhany nadanlara,
ýoldan azaşanlara ýumşak daraşmagy
başarýar, sebäbi özünde hem ynsan kem-
çilikleri bar. [3]Şu sebäpden ol halkyň-da,
özüniň-de günäleri üçin gurbanlyk ber-
mäge borçludyr. [4]Hiç kim baş ruhany
bolmak hormatyny özi gazanyp bilmez,
ol Harun ýaly, Hudaý tarapyndan çagyryl-

[a] **4:14** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.

**4:3** Zeb 94:11. **4:4** Gçk 2:2. **4:5** Zeb 94:11. **4:7** Zeb 94:7-8.

ýar. [5]Şonuň üçin Mesih hem Baş Ruhany
bolmak üçin Özüni Özi şöhratlandyrma-
dy. Tersine, Ony: «Sen Meniň Oglumsyň,
bu gün Men Saňa Ata boldum» diýip
aýdan Hudaý şöhratlandyrdy. [6]Başga bir
ýerde bolsa: «Sen Mäliksadyk derejesin-
däki müdimilik ruhanysyň» diýip aýdýar.
[7]Mesih bu dünýäde ýaşan wagtynda göz-
ýaş döküp, Özüni ölümden halas etmegi
başarýan Hudaýa doga-dilegler hem ýal-
baryşlar bilen perýat etdi. Ol Hudaýdan
heder edendigi üçin, Onuň haýyşy hasyl
boldy. [8]Ol Ogul hem bolsa, görgi görüp,
tabyn bolmaklygy öwrendi. [9]Şeýlelikde,
Hudaý arkaly Isa Mesih kämil bolup, Ol
Özüne tabyn bolýanlaryň hemmesini ebe-
dilik halas etmegi başarýar. [10]Şeýle hem,
Hudaý Ony Mäliksadyk derejesindäki
Baş Ruhany diýip yglan etdi.

### *Imanda berkäliň*

[11]Bu barada aýtjak gürrüňimiz köp,
emma eşitmäge islegiňiziň ýokdugy
sebäpli, muny size düşündirmek kyn.
[12]Hakykatdan-da, siz şu wagta çenli
özüňiz başgalara öwretmelidiňiz ahyry!
Gaýtam, siz başgalara däl-de, başga-
lar size Hudaýyň taglymatynyň ilkinji
esaslaryny öwretmeklerine mätäç. Size
gaty iýmit däl-de, henizem süýt gerek!
[13]Süýt bilen iýmitlenýän agzyndan süýt
ysy gitmedikdir. Ol ýagşy-ýamany heniz
saýgarýan däldir. [14]Gaty iýmit bolsa,
kemala gelenler üçindir. Olar öz günde-
lik tejribesinden öwrenip, ýagşy bilen
ýamany saýgaryp bilýändirler.

## 6-njy bap

[1]Şonuň üçin, geliň, Isa Mesih barada-
ky başlangyç taglymda saklanman öňe
hereket edip, imanda berkäliň, yza gaýt-
malyň. Ölüme eltýän işlere toba etmek,
Hudaýa iman etmek, [2]suwa çümdürilip
päklenmek, el goýup dileg etmek bara-
da, şeýle-de ölüleriň direlişi we ebedi
höküm barada gaýta-gaýta esasy taglym
almagymyzyň geregi ýok. [3]Hudaý ýol
berse, biziň işimiz ilerlär.
[4-6]Kim öň bir gezek Hudaýdan nurlanyp,
gögüň peşgeşini alandan soňam, şeýle
hem Mukaddes Ruha şärik bolup, Huda-
ýyň Hoş Habarynyň ýagşylygyny dadyp,
geljekki döwrüň gudratyny görenden so-
ňam, Hudaýdan ýüz öwrüp, ýoldan çyksa,
ony täzeden toba getirmek asla mümkin
däl. Sebäbi ol adam Hudaýyň Ogluny
gaýtadan haça çüýläp, ile ryswa edýändir.
[7]Yzygider ýagan ýagyşdan ganyp, daý-
hana bol hasyl getirýän topraga Hudaý
bereket berýändir. [8]Emma akbaşdyr
ýandak bitýän ýer dereksizdir, ol nälet-
lenendir we howp astyndadyr. Ahyrsoňy
ony oda ýakarlar.
[9]Eziz dostlar, biz şeýle diýsek hem,
siziň beýle däldigiňizi bilýäris. Siziň
dogry ýoldan ýöräp, halas boljakdygy-
ňyza ynanýarys. [10]Hudaý adalatlydyr.
Ol siziň bitiren işiňizi, Onuň halkyna
eden we edýän hyzmatyňyz bilen Özü-
ne bolan mähir-muhabbetiňizi unutmaz.
[11]Biz siziň her biriňiziň umydyňyzyň
amala aşmagynyň iň soňky pursadyna
çenli hyzmatda gaýratlylyk görkezme-
giňizi dileýäris. [12]Ýaltalyga ýüz urmaň,
gaýtam, iman hem sabyr-takat arkaly
Hudaýyň wadalaryna gowşanlaryň gö-
reldesine eýeriň.

### *Hudaýyň wadasy ygtybarlydyr*

[13]Hudaý Ybraýyma wada berende,
Özünden beýik hiç kimiň ýokdugy üçin,
Öz adyndan kasam etdi. [14]Ol: «Men,

**5:5** Zeb 2:7. **5:6** Zeb 109:4. **6:14** Gçk 22:16-17.

hakykatdanam, seni ýalkap, seniň nes-
liňi san-sajaksyz köpelderin» diýip ant
içdi. 15 Şeýlelikde, Ybraýym sabyr-takat
bilen garaşyp, berlen wada ýetdi.

16 Adamlar özünden beýik biriniň
adyndan kasam edýärler. Kasam aýdy-
lan zady tassyklap, ähli jedelleri çözýär.
17 Hudaý hem wadasyny kabul edýänlere
Öz maksadynyň üýtgewsizdigini subut
etmek isledi. Şonuň üçin Ol muny kasam
bilen tassyklady. 18 Şeýlelikde, Hudaý
bize iki zat: hem wada berdi, hem ka-
sam etdi. Munuň ikisi hem üýtgewsizdir,
sebäbi Hudaý hiç wagt ýalan sözlemeýär.
Şonuň üçin hem, biz Hudaýda pena tapyp,
özümize berlen umyda berk ýapyşyp
ruhlanýarys. 19 Bu umyt janymyzy berk
hem howpsuz saklaýandyr, ol göklerdäki
çadyryň tutusynyň aňyrsyna geçýändir.
20 Isa bize ýol açmak üçin, ol ýere ilkinji
bolup girip, Mäliksadyk derejesindäki
müdimilik Baş Ruhanymyz boldy.

## 7-nji bap

### *Mäliksadyk ruhany*

1 Mäliksadyk Salim patyşasydy we
Beýik Hudaýyň ruhanysydy. Ybraýym
dört patyşany ýeňip, yzyna dolanyp gel-
ýärkä, Mäliksadyk ony garşy alyp, oňa
pata berdi. 2 Ybraýym hem Mäliksadyga
ähli alan oljasynyň ondan birini berdi.

Mäliksadygyň ady «adalat patyşasy»
diýmegi aňladýar. Mundan başga-da, ol
«parahatlyk patyşasydyr», sebäbi «Sa-
lim» bu «parahatlyk» diýmegi aňladýar.
3 Onuň ene-atasynyň kimdigi belli däl,
nesil daragty-da ýok. Ömrüniň ne başy,
ne-de ahyry bar. Ol Hudaýyň Ogly ýaly
hemişelik ruhany bolup galar. 4 Serediň,
Mäliksadyk nähili beýik eken, hatda
atamyz Ybraýym hem oljasynyň ondan
birini oňa beripdir! 5 Bütin halk, hatda
Ybraýymyň neslinden bolanlar-da Mu-
kaddes Kanuna görä öz gazançlarynyň
ondan birini diňe lewi tiresinden bolan
ruhany doganlara bermelidiler. 6 Emma
Mäliksadyk lewi neslinden bolmasa-da,
Hudaýyň wadalaryny alan Ybraýymdan
ondan bir sadakany alyp, oňa pata berdi.
7 Kiçiniň özünden beýik adamdan pata
alýandygy şübhesizdir. 8 Halkdan ondan
bir ýygnan ruhanylar aradan çykdylar,
emma Ybraýymdan ondan bir alan Mä-
liksadyk henizem ýaşaýar. 9 Hatda şeýle
diýip bilýäris, halkdan ondan bir ýygnan
Lewiniň özi hem Mäliksadyga Ybraýym
arkaly bu sadakany beripdir. 10 Sebäbi
Mäliksadyk Ybraýymy garşylan mahaly
Lewi entek ata-babasynyň bilindedi.

### *Täze ruhanylyk düzgüni*

11 Şeýlelikde, eger kämillige lewi ru-
hanylygy arkaly ýetilýän bolsa, onda
başga bir ruhanynyň gelmegi nämä
gerekdi? Mukaddes Kanuna görä, le-
wi tiresi ruhanylyk etmelidi, emma bu
ruhanylyk arkaly hiç kim kämil bolup
bilmeýärdi. Şonuň üçin hem Harun ýa-
ly däl-de, Mäliksadyk ýaly ruhanynyň
gelmegi gerekdi. 12 Ruhanylyk üýtgese,
Kanun hem üýtgemelidir. 13 Biziň gür-
rüňini edýän kişimiz lewi tiresinden
däl. Onuň tiresinden hiç kim gurbanlyk
sypasynda hyzmat etmändir. 14 Rebbimiz
Isanyň ýahuda tiresindendigi hemmelere
mälimdir we Musa bu tireden ruha-
nylaryň bolandygy barada hiç bir söz
aýtmandyr.

### *Isanyň ruhanylygy soňsuzdyr*

15 Indi Mäliksadyk ýaly başga bir ru-
hanynyň gelmegi bu aýdanlarymyzyň
ählisini öňküden hem has aýdyň gör-
kezýär. 16 Onuň ruhanylygy bu pany
dünýäniň talabyna, ýagny nesilden-nesle

geçýän kada-kanuna däl-de, eýsem
Mäliksadyk ruhanylygy ýaly soňsuz ýa-
şaýyş gudratyna esaslanandyr. 17Çünki
mezmurçy Ol hakda şeýle ýazdy: «Sen
Mäliksadyk derejesindäki müdimilik
ruhanysyň».
18Hawa, öňki kada-kanunlar gow-
şakdygy hem peýdasyzdygy zerarly
ýatyryldy. 19Çünki kanun hiç bir zady
kämilleşdirmedi. Indi munuň deregine
bizi Hudaýa ýakynlaşdyrýan has oňat
bir umyt berildi. 20Şeýle hem Mesihiň
Baş Ruhany boljakdygyna Hudaý ant
içdi, emma beýleki ruhanylar barada
ant içmedi. 21Hudaýyň Oňa: «Reb ant
içdi, Ol ondan dänmez. Sen müdimilik
ruhanysyň» diýen anty arkaly ruhany
boldy. 22Bu ant arkaly Isa has oňat ähtiň
kepili boldy.
23Şeýle hem ölüm ruhanylaryň işini
togtatýandygy üçin, olaryň sany köpdi.
24Emma Isanyň baky ýaşaýandygy üçin,
Onuň ruhanylygy soňsuzdyr. 25Şeýle-
likde, Isa Özi arkaly Hudaýa gelýänleri
ebedilik halas etmegi başarýandyr. Çün-
ki Isa Mesih olar üçin hemişe Hudaýa
töwella edýär.
26Bize hut şunuň ýaly – mukaddes,
ýazyksyz we päk Baş Ruhany gerekdi.
Ol günälilerden aýrylyp, göklerden hem
ýokary göterilendir. 27Öňki ruhanylar
her gün ilki öz günäleri, soňra halkyň
günäleri üçin gurbanlyk hödürlemeli-
diler. Emma Isa olaryňky ýaly etmegiň
geregi ýok, sebäbi Ol ähli zat üçin Özüni
bir gezekde gurban edip, bu işi bitirdi.
28Mukaddes Kanuna görä baş ruhany-
lyga ýönekeý ynsanlar bellenilýärdi,
emma Kanundan soňra Hudaý ant içip,
muňa Ogluny belledi. Ol kämil edilen
müdimilik Baş Ruhanydyr.

## 8-nji bap

### *Isa – täze ähtiň Binýatçysy*

1Aýdýanlarymyzyň düýp manysy şun-
dadyr: gökde beýik Hudaýyň sagynda
oturan Baş Ruhanymyz bardyr. 2Ol
Mukaddes çadyrda, ynsanyň däl-de,
hut Rebbiň guran hakyky çadyrynda
hyzmat edýär. 3Her bir baş ruhany sa-
dakalar hem gurbanlyklar hödürlemek
üçin bellenilýär. Şu sebäpden biziň Baş
Ruhanymyzyň hem gurbanlyk hödür-
lemegi gerekdi. 4Eger Ol gökde däl-de,
ýerde bolsady, aslynda ruhany hem
bolmazdy. Sebäbi Mukaddes Kanun
boýunça sadakalary hödürleýän ru-
hanylar eýýäm bardy. 5Olar ýerdäki
Mukaddes çadyrda hyzmat edýärler.
Bu çadyr bary-ýogy gökdäki hakyky
Çadyryň görnüşi we kölegesidir. Şonuň
üçin hem Hudaý Mukaddes çadyry nä-
hili ýasamalydygy barada Musa şeýle
görkezme beripdi: «Ähli zady dagda
özüňe görkezilen nusganyň esasynda
ýasarsyň». 6Emma Isa berlen ruhanylyk
hyzmaty beýleki ruhanylaryňkydan
beýikdir. Şeýle hem Ol täze ähtiň
Binýatçysydyr, täze äht öňki ähtden
üstündir we ygtybarly wadalara esas-
lanandyr. 7Eger öňki äht kemçiliksiz
bolan bolsady, onda bu täze äht gerek
bolmazdy. 8Emma Hudaýyň Özi ol äht-
den kemçilik tapyp, halkyna şeýle diýdi:
«Ysraýyl we ýahuda halky bilen Meniň
täze äht baglaşjak günlerim hökman
geler. Muny Reb aýdýandyr. 9Bu äht
Meniň olaryň ata-babalarynyň ellerin-
den tutup, Müsürden çykaran günüm
baglaşan ähtim ýaly däldir. Olar Meniň
şol ähtime sadyk bolmadylar, şonuň

**7:17** Zeb 109:4. **7:21** Zeb 109:4. **8:5** Msr 25:40. **8:8-12** Ýrm 31:31-34.

üçin Men olardan ýüz öwürdim. Muny
Reb aýdýandyr. 10 Ine, ol günlerden soň
Meniň ysraýyl halky bilen baglaşjak
ähtim şudur: Men kanunymy olaryň
aňyna salyp, ýüreklerine ýazaryn. Men
olaryň Hudaýy bolaryn, olar-da Meniň
halkym bolar. Muny Reb aýdýandyr.
11 Mundan beýläk hiç kim biri-birine
ýa-da doganyna „Rebbi tanaň!“ diýip
öwretmez, sebäbi olaryň uludan-kiçä
hemmesi Meni tanar. 12 Men olaryň
etmişlerini bagyşlaryn, indi günälerini
ýatlamaryn». 13 Hudaý bu ähte «Täze»
diýmek bilen, öňki ähtiň könelendi-
gini görkezdi. Könelip, sandan galan
zat bolsa, tizara ýok bolup gidýändir.

### 9-njy bap

#### *Sežde etmegiň köne düzgünleri*

1 Birinji äht döwründe sežde etmegiň
kada-kanunlary we dünýewi Mukaddes
çadyr bardy. 2 Iki otagdan ybarat bolan
bir çadyr gurlupdy, onuň daşky otagy-
na Mukaddes otag diýilýärdi. Ol ýerde
çyradan, hantagta bardy we hantagta-
nyň üstünde hödür çörekler goýlandy.
3 Çadyryň içki tutusynyň aňyrsynda
Iň mukaddes otag diýlip atlandyryl-
ýan ýene bir otag bardy. 4 Bu otagda
ýakymly ysly tütetgi sypasy we Äht
sandygy bardy. Olaryň ikisi hem sap
altyndan ýasalandy. Äht sandygynda içi
mannadan[a] doly altyn golça, Harunyň
güllän hasasy, tabşyryklar ýazylan iki
daş bölegi bardy. 5 Sandygyň gapagynyň
üstünde şan-şöhrata beslenen keruplar[b]
bardy. Bu keruplar ganatlary bilen ga-
paga kölege salýardylar. Emma häzir
bular barada jikme-jik gürrüň etmegiň
wagty däl.
6 Ähli zat şunuň ýaly gurnalandan
soň, ruhanylar her gün çadyryň daşky
otagyna girip, öz borçlaryny ýerine ýe-
tirýärdiler. 7 Emma çadyryň içki otagyna
ýylda bir gezek diňe baş ruhany girýärdi.
Ol özi üçin we halkyň bilmezlikden eden
günäleri üçin hödürlemäge ýany bilen
hemişe gurbanlyk ganyny almalydy. 8 Bu
düzgünler arkaly Mukaddes Ruh şuny
görkezýär: ýerdäki Mukaddes çadyrda
ýerine ýetirilýän parzlar bes edilmese,
gökdäki Iň mukaddes otaga asla girip
bolmaz. 9 Mukaddes çadyr we onuň parz-
lary häzirki zaman üçin bir nyşandyr. Bu
hödürlenýän sadakalar we gurbanlyklar
sežde edýän adamyň wyždanyny päkläp
bilmeýändigini görkezýär. 10 Muňa diňe
beden bilen bagly bolan iýip-içmek we
dürli päkleniş parzlary girýär. Bularyň
hemmesi täze düzgün ornaşdyrylýança
ýerine ýetirilýärdi.

#### *Sežde etmegiň täze düzgünleri*

11 Mesih indi amala aşan[ç] ähli oňat
zatlaryň Baş Ruhanysy bolup geldi. Ol
ynsan eli bilen gurulmadyk, bu dün-
ýäniň ýaradylyşyndan bolmadyk has
beýik we kämil çadyra girdi. 12 Ol Iň
mukaddes otaga erkeçleriň, göleleriň
gany bilen däl-de, Öz gany bilen girip,
bir gezekde biziň baky azatlygymyzy
gazandy. 13 Öňler erkeçleriň we öküzleriň
ganyny hem-de ýakylan göläniň külüni
murdar adamlaryň üstüne sepip, olary
tämizlärdiler. 14 Eger şeýle eden bolsalar,
onda Mesihiň gany arkaly has-da beýik
işler edip bolar! Şeýdip, Mesih ebedi

---

[a] **9:4** ***Manna*** – çölde Hudaý tarapyndan ysraýyllara berlen üýtgeşik iýmit. Sözlüge seret.
[b] **9:5** ***Kerup*** – perişdeleriň bir görnüşi. Sözlüge seret.
[ç] **9:11** ***Indi amala aşan*** – käbir golýazmalarda *geljekki*.

Ruhuň gudraty arkaly Özüni müýnsüz
gurbanlyk hökmünde Hudaýa hödürledi.
Onuň döken gany biziň wyždanymyzy
ölüme eltýän işlerden päkleýär, şonda
biz diri Hudaýa gulluk edýäris. 15 Şu
sebäpli hem çagyrylanlary Hudaýyň
wada eden ebedi mirasyna gowşurmak
üçin, Isa Mesih täze ähtiň Binýatçy-
sy boldy. Olary owalky äht döwründe
eden günäleriniň jezasyndan azat etmek
üçin Ol gurban boldy. 16 Wada boýun-
ça haýsydyr bir wesýetnama bar bolsa,
onda wesýetçiniň ölendigini subut et-
mek gerek. 17 Sebäbi wesýetnama diňe
wesýetçiniň ölüminden soňra güýje
girýändir. Wesýetçi dirikä, wesýetna-
manyň asla güýji ýokdur. 18 Şoňa görä
öňki äht hem gan dökülýänçä güýje
girmedi. 19 Musa Kanunyň ähli buý-
rugyny tutuş halka yglan etdi. Soňra
gyrmyzy ýüň hem bir bogdak käkilik
oty bilen göleleriň[a] ganyny we suwy
Kanun ýazgylarynyň, ähli halkyň üs-
tüne sepip: 20 «Bu Hudaýyň siziň bilen
eden äht ganydyr» diýdi. 21 Şonuň ýaly
hem, Musa çadyryň we sežde etmek-
de ulanylýan ähli zatlaryň hem üstüne
gan seperdi. 22 Hakykatdanam, ähli zat
Mukaddes Kanun boýunça gan bilen
päklenýär. Gan dökülmezden hiç bir
günä bagyşlanmaýar. 23 Şeýlelikde, gök-
däki zatlaryň ýerdäki nusgalarynyň bu
gurbanlyklar bilen päklenmegi gerekdi.
Emma gökdäki zatlaryň özleri bulardan
has oňat gurbanlyklary talap edýär-
di. 24 Mesih ynsan eli bilen ýasalan we
asyl nusganyň ýöne bir görnüşi bolan
iň mukaddes otaga girmedi. Ol biziň
üçin Hudaýyň huzurynda häzir bolup,
gökdäki mukaddes otaga girdi. 25 Baş
ruhany iň mukaddes otaga her ýyl girip,
gurbanlyk janlysynyň ganyny hödür
edýärdi, emma Mesih göge girmek üçin
Özüni öwran-öwran gurban etmedi.
26 Beýle bolsa, Mesih dünýä ýaradylaly
bäri öwran-öwran ejir çekmeli bolardy.
Muňa derek Ol adamlaryň günäleri-
ni ýuwmak üçin Özüni gurban etmek
bilen ahyrky döwürde bir gezek geldi.
27 Ynsanyň takdyrynda bir gezek ölüm
bardyr, ondan soň Hudaýyň öňünde
hasap bermelidir. 28 Edil şonuň ýaly,
Mesih hem köp adamlaryň günäleri-
ni ýuwmak üçin, bir gezekde gurban
boldy. Emma Ol ikinji gezek gelende,
günäleri ýuwmak üçin däl-de, eýsem
Özüne intizarlyk bilen garaşýanlary
halas etmek üçin geler.

## 10-njy bap

### *Iň soňky gurbanlyk*

1 Musanyň kanuny geljekki oňat zatla-
ryň özi däl-de, şol zatlaryň kölegesidir.
Şu sebäpli Kanun her ýyl üznüksiz
hödürlenen şol bir gurbanlyklar bilen
Hudaýa sygynýanlary hiç haçan kämil
edip bilmeýär. 2 Eger kämil edip bilýän
bolsady, onda gurbanlyk hödürlemek bes
edilmezmidi? Çünki sežde edýänler gü-
näden bir gezekde päklenenlerinden soň,
olaryň wyždany günäleriniň päklenme-
gine gaýdyp mätäç bolmazdy. 3 Emma
ol gurbanlyklar her ýyl ynsanlara gü-
nälerini ýatladýardy. 4 Sebäbi öküzleriň,
erkeçleriň gany bilen günäleri ýuwmak
mümkin däldir. 5 Şonuň üçin Mesih dün-
ýä gelende, Hudaýa şeýle diýdi:

---

[a] **9:19** Käbir golýazmalarda *göleleriň we erkeçleriň.*

**9:20** Msr 24:8. **10:5-9** Zeb 39:7-9.

«Gurbanlyk bilen sadakany Sen
islemediň;
emma Maňa bir beden
taýynladyň.
6 Ýakma gurbanlygy, günä
gurbanlygy
Seniň göwnüňden turmady.
7 Şonda diýdim: „Ine, Men!
Kitapda Men barada ýazylgy.
Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý
etmäge, ine, Men geldim“».
8 Mesih ilki bilen Kanunyň talap edýän
gurbanlyklary barada söz açyp, Hu-
daýa: «Sen gurbanlyk bilen sadakany
islemediň, ýakma hem günä gurban-
lygy-da göwnüňden turmady» diýdi.
9 Soňra-da: «Ine, Men, Seniň islegiňi
berjaý etmäge geldim [a]» diýdi. Şeýdip,
Mesih ikinji kanuny berkarar etmek üçin,
birinjini aradan aýyrýar. 10 Biz bu isleg
boýunça, Isa Mesihiň bedeniniň ähli
zat üçin bir gezekde gurban edilmegi
arkaly mukaddes edildik. 11 Her bir ru-
hany her gün aýak üstünde durup, dini
borçlary ýerine ýetirýärdi we şol bir gur-
banlyklary öwran-öwran hödürleýärdi.
Emma bu gurbanlyklar hiç wagt günäleri
ýuwmagy başarmaýar. 12 Emma Mesih
günäleri hemişelik ýuwýan ýeke-täk
gurbanlygy hödürländen soň, Hudaýyň
sagynda oturdy. 13 Şondan bäri hem Ol
duşmanlarynyň aýak astyna salynma-
gyna garaşýar. 14 Sebäbi Ol mukaddes
edýänlerini ýeke-täk gurbanlyk bilen
hemişelik kämil etdi. 15 Mukaddes Ruh
hem bize bu hakda şaýatlyk edýär. Ilki
bilen Reb şeýle diýýär: 16 «Ol günlerden
soň, Meniň olar bilen baglaşjak ähtim
şudur: Men kanunlarymy olaryň aňyna
salyp, ýüreklerine ýazaryn». 17 Soňra
Ol: «Mundan beýläk olaryň günäleri-
ni, ýazyklaryny ýatlamaryn» diýýär.
18 Diýmek, Hudaý günäleri bagyşlan
bolsa, mundan buýana günä gurbanlyk
hödürlemegiň geregi ýok.

### *Berk ynam bilen Hudaýa ýakynlaşalyň*

19 Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Isa-
nyň gany arkaly indi biz Iň mukaddes
otaga batyrgaýlyk bilen girip bilýäris.
20 Isa Öz ölümi arkaly bize çadyrdaky
içki tutudan geçýän we Hudaýa barýan
täze ýaşaýyş ýoluny açyp berdi. 21 Indi
biziň Hudaýyň halkyna jogapkär beýik
Ruhanymyz bardyr. 22 Şoňa görä, çyn
ýürekden we berk ynam bilen Hudaýa ýa-
kynlaşalyň. Mesih kalbymyzy Öz gany
bilen päkläp, bizi wyždan ýazygyndan
azat etdi we bedenimizi arassa suw bilen
ýuwdy. 23 Indi ykrar eden umydymyzy
ikirjiňlenmän berk saklalyň, çünki wada
beren Hudaý ynamdardyr. 24 Biri-bi-
rimizi söýmäge we oňat işler etmäge
höweslendirmek barada pikirleneliň.
25 Käbir adamlaryň endik edişi ýaly, ýyg-
nanyşmagymyzy goýmalyň. Gaýtam,
Isanyň geljek gününiň golaýlandygyny
bilip, biri-birimizi has-da ruhlandyra-
lyň. 26 Eger biz hakykat bilimini kabul
edenimizden soňam bilgeşleýin günä
etsek, günäleri bagyşlamak üçin indi
gurbanlyk ýokdur. 27 Diňe garaşylýan
howply höküm güni we Hudaýyň duş-
manlaryny ýakyp-ýandyryjy ot bardyr.
28 Musanyň kanunyny ret eden adam iki
ýa-da üç şaýadyň güwäsi bilen rehimsiz
öldürilýärdi. 29 Şeýle bolsa, Hudaýyň

[a] **10:9** Käbir golýazmalarda *ýa Hudaý* diýen jümle hem bar.

**10:16-17** Ýrm 31:33-34.

Ogluny aýak astyna salana ondan-da
agyr jezanyň garaşýandygyny göz öňüne
getirip görüň! Mesihiň äht gany bilen
päklenip, soňam muny murdar hasap-
laýanyň we merhemet Ruhuny ryswa
edýäniň haly niçik bolar? [30]Şeýle hem
biz bu sözleri aýdan Hudaýy tanaýarys:
«Öç Meniňkidir, jezalandyrjak Men-
dirin», şeýle hem: «Reb Öz halkynyň
üstünden höküm çykarar». [31]Hawa, diri
Hudaýyň eline düşmek elhençdir!

[32]Öňki günleriňizi ýadyňyza salyň.
Şonda siz Hudaýdan nurlanyp, jebir-
-jepalara döz gelipdiňiz. [33]Siz bir tarapdan,
hemmeleriň öňünde kemsidilmelere we
muşakgatlara sezewar edildiňiz, beýleki
bir tarapdan, şeýle ýagdaýa uçranlaryň
derdini deň çekişdiňiz. [34]Tussagda-
kylaryň-da dertlerini[a] deň çekişdiňiz,
özüňizde has oňat hem baky baýlygyň
bardygyny bilip, emlägiňiziň alynma-
gyny şatlyk bilen kabul etdiňiz. [35]Şonuň
üçin hem, ynamyňyzy ýitirmäň, munuň
sylagy uludyr. [36]Sabyr-takatly bolup,
Hudaýyň yradasyny berjaý ediň, şonda
Hudaýyň wadasyna gowşarsyňyz.

[37]Mukaddes Ýazgylarda şeýle
ýazylgydyr:

«Ýene az salymdan
şol Geljek hökman geler,
eglenmez.
[38]Meniň dogruçyl halkym iman
bilen ýaşar,
eger imandan dänse, ondan razy
bolmaryn».

[39]Biz imandan dänip, heläk bolýan
däl-de, imanymyza sadyk bolup, halas
bolýan adamlardandyrys.

## 11-nji bap

### *Iman näme?*

[1]Iman umyt edýän zatlarymyza bil
baglamak we görmeýän zatlarymyza
ynanmakdyr. [2]Ata-babalarymyz iman
arkaly Hudaýy hoşnut etdiler. [3]Biz
älem-jahanyň Hudaýyň buýrugy bilen
ýaradylandygyna, şeýle hem, görünýän
zatlaryň görünmeýän zatlardan dörän-
digine iman arkaly düşünýäris. [4]Habyl
iman arkaly Hudaýa Kabyldan has gowy
sadaka hödürledi. Hudaý Habylyň sada-
kasyndan hoşal bolup, ony imany arkaly
dogruçyl adam saýdy. Habyl ölen hem
bolsa, iman arkaly häzirem gepleýär.
[5]Iman arkaly Hanok ýokary alyndy, ol
ölüm garasyny görmedi. Hiç kim ony
tapyp bilmedi, sebäbi Hudaý ony ýokary
aldy. Hanok ýokary alynmazyndan öňem
Hudaýyň göwnünden turupdy. [6]Iman
etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut
edip bilmez. Hudaýa ýakynlaşan adam
Onuň barlygyna we Özüni agtarýanlary
sylaglajakdygyna ynanmalydyr. [7]Nuh
içersindäkileriň halas bolmagy üçin
iman arkaly bir gämi ýasady. Ol heniz
bolmadyk wakalar hakda Hudaýdan
duýduryş alanda, Ondan gorkup, Oňa
gulak asdy. Şeýlelikde, bütin dünýä jeza
sezewar boldy, Nuh bolsa imany arkaly
aklandy. [8]Mülk edip beren ýurduna iber-
mek üçin Hudaý Ybraýymy çagyranda,
ol iman arkaly Oňa tabyn boldy, nirä
barýandygyny bilmezden ýola düşdi.
[9]Iman arkaly ol Hudaýyň wada beren
ýurdunda gelmişek bolup ornaşdy. Yshak

[a] **10:34** ***Tussagdakylaryň-da dertlerini*** – bu jümle käbir golýazmalarda *tussaglykda çeken dertlerimi* diýip duş gelýär.

**10:30** Kan 32:35-36. **10:37-38** Hab 2:3-4.

bilen Ýakup hem Ybraýym ýaly bu ýat
ýurtda çadyrda ýaşadylar, sebäbi olaram
Hudaýyň beren şu wadasynyň miras-
darlarydy. 10 Çünki Ybraýym Hudaý
tarapyndan bina edilýän we gurulýan
berk binýatly şähere garaşýardy. 11 Özü-
niň garrandygyna we aýaly Saranyň
önelgesizdigine garamazdan, Ybraýym
iman arkaly perzent gördi. Sebäbi ol
wada beren Hudaýyň sadykdygyna ynan-
dy.[a] 12 Şeýlelikde, ýaşy birçene baran
bu bir adamdan gökdäki ýyldyzlar deý
we deňiz kenaryndaky çägeler deý san-
sajaksyz nesil döredi. 13 Bu adamlaryň
hemmesi iň soňky demine çenli Hudaýa
iman edip ýaşadylar. Olar wada edilen
ýurda gowuşmasalar-da, ol ýeri uzakdan
görüp şatlandylar. Özleriniň ýer ýüzün-
de gelmişek hem ýatdyklaryny boýun
aldylar. 14 Gelmişekdiklerini boýun alýan
adamlar özleriniň bir watan agtarýan-
dyklaryny aýdyň görkezýärler. 15 Eger
olar çykyp gaýdan ýurtlaryny küýseýän
bolsadylar, onda yzlaryna dolanmagyň
alajyny tapardylar. 16 Emma olar has go-
wusyny, ýagny gökdäki watany arzuw
edýärdiler. Şonuň üçin Hudaý Özüni
olaryň Hudaýy diýip atlandyrmakdan
utanmaýar. Hudaý hatda olar üçin bir
şäher taýynlady.

17-18 Hudaý Ybraýymy synanda, Yb-
raýym iman arkaly Yshagy gurbanlyk
hökmünde hödürledi. Hudaý oňa: «Seniň
adyň Yshagyň nesli arkaly dowam eder»
diýip wada beren hem bolsa, Ybraýym
şol ýalňyz ogluny gurbanlyk etmäge
taýýardy. 19 Ybraýym Hudaýyň ölüleri
direltmegi başarýandygyna ynanýardy.
Şoňa görä-de, ol Yshagy diri gaýdyp aldy.
20 Iman arkaly Yshak hem boljak zatlar
hakda Ýakup bilen Ysawa pata berdi.
21 Ýakup bu dünýäden ötmeli pursady
gelende, hasasyna söýenip, Ýusubyň
iki ogluna iman arkaly pata berdi we
Hudaýa sežde etdi. 22 Ýusup hem ölüm
ýassygynda ýatyrka, ysraýyl halkynyň
Müsürden çykjakdygyny aýdyp, öz je-
sedi barada iman arkaly buýruk berdi.
23 Musa doglanda, ata-enesi ony iman
arkaly üç aý gizläp saklady. Olar oglanyň
üýtgeşikdigini görüp, patyşanyň perma-
nyndan gorkmadylar. 24 Ulalyp, kemala
gelende, Musa iman arkaly faraonyň
gyzynyň ogly diýlip tanalmakdan boýun
gaçyrdy. 25 Ol günä gazanyp, wagtlaýyn
lezzetli durmuşda ýaşandan, Hudaýyň
halky bilen bile horluk çekmegi özüne
rowa gördi. 26 Musa Mesihiň ugrunda
kemsidilmelerini Müsüriň hazynala-
ryndan has uly baýlyk saýdy, sebäbi
ol özüniň aljak beýik sylagyna umyt
baglaýardy. 27 Ol patyşanyň gazabyndan
gorkman, iman arkaly Müsüri terk etdi.
Göze Görünmeýäni göreni üçin saýlan
ýolunda berk durdy. 28 Musa iman arkaly
Pesah gurbanlyk janlysyny öldürmegi
we olaryň ganyny gapynyň söýeleri-
ne çalmagy buýurdy. Ol muny ysraýyl
halkynyň nowbahar ogullaryna Ölüm
perişdesiniň el degirmezligi üçin etdi.
29 Iman arkaly ysraýyllar Gyzyl deňizden
gury ýerden geçýän dek geçdiler. Mü-
sürliler hem geçmäge synanyşyp, gark
boldular. 30 Ysraýyl halky ýedi günläp

[a] **11:11** Käbir golýazmalarda 11-nji aýat şeýle görnüşde gelýär: *Sara önelgesiz bolup, ýaşy birçene ýeten bolsa, iman arkaly göwreli boldy. Sebäbi ol wada beren Hudaýyň sadykdygyna ynandy.*

**11:17-18** Gçk 21:12.

Ýerihonyň daşyndan aýlanandan soň,
iman arkaly diwarlar ýykyldy. [31] Imany
arkaly loly Rahap heläk bolmady. Ol ys-
raýyl içalylaryny dostlukly garşylandygy
üçin, Hudaýa tabyn bolmadyklar bilen
bile öldürilmedi. [32] Başga ýene näme
aýdaýyn? Gidegon, Barak, Şimşon, Ýef-
tah hakda, Dawut, Şamuwel we beýleki
pygamberler hakda gürrüň bermäge
wagtym ýok. [33] Iman arkaly olar ençe-
me patyşalygy ýeňdiler, ýurdy adalatly
dolandyrdylar, wadalara ýetdiler, ars-
lanlaryň agzyny bagladylar, [34] lowlaýan
ody öçürdiler, gylyjyň tygyndan gaçyp
gutuldylar, ejiz bolsalar hem güýçden
doldular, söweşde kuwwatlanyp, keseki
goşunlary derbi-dagyn etdiler. [35] Aýallar
ölen ýakynlaryny direlen halda yzyna
aldylar. Käbirleri bolsa direlişden soň
has oňat ýaşaýşa gowuşmak üçin, azat
bolmakdan ýüz öwrüp, jebir-süteme döz
geldiler. [36] Başga birileri kemsidilmelere
sezewar edilip gamçylandylar, zynjyrlar
bilen baglanyp, zyndana taşlandylar.
[37] Olaryň käbirini daşladylar, bedenlerini
kesip, ikä böldüler [a], gylyçdan geçi-
rip öldürdiler. Käbiriler goýun we geçi
derisini geýip, sergezdançylyk etdiler,
mätäçlikde ýaşadylar, zulum astynda
yzarlanyp, horluk çekdiler. [38] Dünýä
olara laýyk däldi. Olar çöllerde, daglar-
da entediler, gowaklarda, köweklerde
gizlendiler. [39] Olaryň hemmesi iman
arkaly Hudaýyň öwgüsini gazanan hem
bolsalar, olaryň hiç biri Hudaýyň wada-
syna gowuşmady. [40] Sebäbi Hudaý biziň
üçin has oňat bir zady taýynlapdy. Ol
Özüne sadyk bolan bu adamlaryň biziň
bilen birlikde kämil bolmagyny isledi.

## 12-nji bap

### *Reb söýýänini terbiýeleýändir*

[1] Bizi şeýle köp şaýatlaryň gurşaýan-
dygy üçin, päsgelçilik döredýän her
hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan
günäleri taşlalyň-da, öňümizde duran
ýaryşda sabyrlylyk bilen ylgalyň. [2] Geliň,
gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kä-
milleşdirijisi Isa dikeliň. Ol geljekdäki
şatlyga gowuşmak üçin, masgaraçylygy
hiç saýyp, haçdaky ölüme döz geldi
we Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy.
[3] Siz aryp, ruhdan düşmez ýaly, Isa hak-
da pikir ediň. Ol günäliler tarapyndan
köp ezýet çekip, hemmesine çydady.
[4] Günä garşy alyp barýan söweşiňizde,
siz entek ganyňyz dökülýänçä garşylyk
görkezmediňiz. [5] Üstesine-de, Hudaýyň
size Öz perzentleri hökmünde aýdan bu
öwüt-nesihatyny-da unutdyňyz:

«Oglum, Rebbiň terbiýesine
biperwaý bolma,
Onuň käýinjine ruhdan düşme.
[6] Çünki Reb söýýänini
terbiýeleýändir,
kabul eden perzendine temmi
berýändir».

[7] Terbiýelenmekde çydamly boluň.
Çünki Hudaý sizi Öz perzentleri kimin
terbiýeleýär. Eýsem, haýsy ogla atasy
terbiýe bermeýär? [8] Eger Hudaý sizi hem-
meleri terbiýeleýşi ýaly terbiýelemese,
onda siz Hudaýyň perzendi däl-de, çöp
düýbüsiňiz. [9] Mundan başga-da, bize
terbiýe beren dünýewi atalarymyz bardy,
biz olara hormat goýýarys. Eger şeýdýän
bolsak, ruhy Atamyza has-da berk tabyn

[a] **11:37** Käbir golýazmalarda *synaga saldylar* diýen söz hem bar.

**12:5-8** Sül 3:11-12.

bolup ýaşamaly dälmi? [10] Atalarymyz
bize öz bilişlerine görä, gysga wagtlyk
terbiýe beripdiler. Hudaý bolsa biziň
hem Onuň ýaly päk bolup bilmegimiz
üçin bize terbiýe berilýär. [11] Adam terbiýe
alanda şatlanmaýar, gaýtam, agyry çek-
ýär. Emma şeýle terbiýe alandan soňra, ol
dogrulykda we parahatlykda ýaşaýandyr.
[12] Şonuň üçin ejiz gollara gujur beriň,
epilen dyzlara kuwwat beriň! [13] «Aýak-
laryňyz üçin dogry ýoly saýlap alyň».
Şeýdip, goý, araňyzdaky ejiz we agsak
adamlar ýykylmasynlar, tersine, şypa
tapsynlar.

### *Hudaýy ret etmäň*

[14] Hemmeler bilen oňşukly boluň. Ha-
lal ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi
görüp bilmersiňiz. [15] Hüşgär boluň, hiç
kim Hudaýyň merhemetinden mahrum
bolmasyn. Bir ajy kök gögerip, size ez-
ýet bermesin, köp adamlar munuň bilen
zäherlenmesin. [16] Hiç kim zynahorlyk
etmesin, nowbaharlyk hakyny bir okara
nahara satan Ysaw ýaly Hudaýa äsger-
mezlik etmesin. [17] Bilşiňiz ýaly, biraz
wagtdan soňra Ysaw atasynyň patasyny
almak isledi, emma ret edildi. Munuň
üçin gözýaş döküp ýalbarsa-da, edilen
karary üýtgedip bilmedi.
[18] Siziň ýakynlaşan dagyňyz elläp gö-
rüp bolýan Sinaý dagy ýaly däldir. Sinaý
dagynda alawly ot ýanýardy, dagyň üstü-
ni tümlük, gara bulut örtüp, gaý-harasat
turýardy, [19] surnaý sesi ýaňlanyp, Hu-
daýyň owazy eşidilýärdi. Muny eşiden
adamlar Hudaýyň özlerine ikilenç gep-
lemezligi üçin ýalbarypdylar. [20] Sebäbi:
«Daga hatda haýwan hem galtaşsa, daş-
lansyn» diýen Hudaýyň buýrugyna olar
çydap bilmändiler. [21] Görnüş şeýle bir
gorkunçdy welin, Musanyň özi: «Gorku-
dan ýaňa titreýärin» diýipdi. [22] Siz bolsa
Sion dagyna, diri Hudaýyň şäheri bolan
göge degişli Iýerusalime, şagalaňly üýş-
meleňe ýygnanan müňlerçe perişdeleriň
huzuryna golaýlaşdyňyz. [23] Hudaýyň
perzentleriniň ýygnagyna golaýlaşdy-
ňyz, olaryň atlary gökde ýazylandyr.
Hemmäniň Kazysy bolan Hudaýyň hu-
zuryna geldiňiz. Hudaýyň owal-başdan
kämillige ýetiren adamlarynyň öňüne
geldiňiz. [24] Siz täze ähtiň Binýatçysy
Isanyň huzuryna geldiňiz. Habylyň öç
almaga gygyrýan ganyna däl-de, eýsem
günälerimizi ýuwmak üçin sepilen Isa-
nyň ganyna ýakynlaşdyňyz.
[25] Üns beriň, özüňize gepleýän Hu-
daýdan ýüz öwürmäň! Özlerine ýerde
Gepläni ret edenlerinde, gaçyp gutu-
lyp bilmedik bolsalar, onda biz gökde
Gepländen ýüz öwräýsek, jezadan asla
gutulmajakdygymyz mese-mälim gör-
nüp dur ahyry. [26] Şol wagt Hudaýyň sesi
ýeri sarsdyrypdy, emma indi Ol: «Men
ýene bir gezek diňe ýeri däl, gögi-de
sarsdyraryn» diýip söz berdi. [27] «Ýene
bir gezek» diýen söz titräýjek zatlaryň,
ýagny ýaradylan zatlaryň aradan aý-
ryljakdygyny, ýranmaz zatlaryň ebedi
galjakdygyny aňladýar. [28] Şonuň üçin
hem ýranmaz patyşalyga gowşandygy-
myz üçin şükür edeliň. Hudaýy hoşnut
etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky
bilen sežde edeliň, [29] sebäbi Hudaýymyz
ýakyp-ýandyryjy otdur.

## 13-nji bap

### *Soňky öwüt-nesihatlar*

[1] Biri-biriňizi doganlyk söýgüsi bi-
len söýüp ýaşaň! [2] Myhmansöýer boluň.

**12:13** Sül 4:26. **12:20** Msr 19:12-13. **12:21** Kan 9:19. **12:26** Hag 2:6.

Çünki myhmansöýer adamlaryň käbiri
perişdeleriň kimdigini bilmezden olary
myhman aldylar. 3 Tussagdaky dogan-
laryňyzy unutmaň, özüňiz hem şolar
bilen tussagda bolýan kimin, olary ýat-
lap duruň. Horluk çekýänleri unutmaň,
özüňizi olaryň ornuna goýup görüň.
4 Goý, hemmeler nika hormat goýsun,
är-aýal düşegi günä bilen hapalanmasyn.
Hudaý ahlaksyzlary we zynahorlary
höküm eder. 5 Puluň yşkyna düşmäň.
Eliňizdäki baryna kanagat ediň. Se-
bäbi Hudaý: «Men sizi hiç wagt ýeke
taşlamaryn, terk etmerin» diýdi. 6 Şoňa
görä-de, biz ynam bilen şeýle diýýäris:
«Reb – tarapdarym, men gorkmaýaryn,
ynsan maňa näme edip bilsin?».

7 Hudaýyň sözüni size ýetiren ýolbaş-
çylaryňyzy ýada salyň. Olaryň nähili
gowy durmuşda ýaşap geçendigi bara-
da pikir ediň. Olaryň sadyklygyndan
görelde alyň. 8 Isa Mesih düýn hem, bu
gün hem, ebedilik Şoldur, Ol üýtgeme-
ýändir. 9 Her hili keseki taglymatlara
köňül berip, ýoluňyzy urdurmaň. Kal-
byňyzyň iýip-içmek adatlaryndan däl-de,
Hudaýyň merhemetinden berkemegi
oňatdyr. Sebäbi iýip-içmek adatlaryna
eýerýänler mundan hiç hili haýyr gören
däldir. 10 Biziň bir gurbanlyk sypamyz
bardyr, ýöne Mukaddes çadyrda hyz-
mat edýän ruhanylaryň ondan iýmäge
haky ýokdur. 11 Gurbanlyk mallarynyň
ganyny baş ruhany Iň mukaddes otaga
getirip, günä üçin hödürleýär, emma
olaryň maslygy düşelgeden daşarda
ýakylýar. 12 Şoňa görä, Isa hem şäher
derwezesinden daşarda ejir çekip öldi. Ol
halkyny Öz gany bilen päkledi. 13 Geliň,
bizem Onuň çydan kemsidilmelerine
çydap, düşelgeden daşary – Onuň ýa-
nyna gideliň, 14 çünki biziň bu ýerde
baky şäherimiz ýokdur, biz geljekki
baky şähere garaşýarys. 15 Şonuň üçin
hem Isa arkaly Hudaýa gurbanlyk hök-
münde hemişe öwgi bagyş edeliň. Onuň
adyna alkyş aýdalyň! 16 Ýagşylyk etmegi
we elde baryňyzy beýlekilere eçilmegi
unutmaň, sebäbi şunuň ýaly sadakalar
Hudaýa ýaraýandyr.

17 Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak
asyň, olara tabyn boluň. Olar siziň ja-
nyňyz üçin Hudaýa hasabat bererler.
Olaryň sözüne gulak asyň, sebäbi olar
size gözegçilik edýändirler. Goý, olar
borçlaryny şatlyk bilen ýerine ýetirsinler,
gaýgy-hasrat çekmesinler, ýogsam, mu-
nuň size peýdasy degmez. 18 Biziň üçin
Hudaýa dileg ediň. Biz wyždanymyzyň
arassadygyna ynanýarys we hemme ta-
rapdan hemişe hormata mynasyp bolup
ýaşamak isleýäris. 19 Ýanyňyza basym
dolanyp barmagym üçin dileg etmegi-
ňizi aýratyn haýyş edýärin.

20-21 Islegini amala aşyrmagymyz üçin,
goý, parahatlyk berýän Hudaý bizi [a]
ähli gerekli zatlar bilen üpjün etsin. Ol
Rebbimiz Isany ebedilik äht baglaşýan
gany arkaly ölümden direltdi we Ony
Öz halkynyň beýik Çopany edip bel-
ledi. Goý, Hudaý Özüni hoşnut edýän
işleri etmegimiz üçin, Isa Mesih arkaly
bizi [b] kämilleşdirsin. Isa Mesihe baky
şan-şöhrat bolsun! Omyn.

22 Eý, doganlar, size ýazan bu gys-
ga hatymdaky öwüt-ündewlerimi çyn

---

[a] **13:20-21** ***Aşyrmagymyz üçin… bizi*** – käbir golýazmalarda *aşyrmagyňyz üçin… sizi.*
[b] **13:20-21** ***Etmegimiz üçin… bizi*** – käbir golýazmalarda *etmegiňiz üçin… sizi.*

---

**13:5** Kan 31:6,8; Ýeş 1:5. **13:6** Zeb 117:6.

ýürekden kabul etmegiňizi haýyş
edýärin. 23 Doganymyz Timoteosyň
tussaglykdan boşandygyndan habarly
bolmagyňyzy isleýärin. Ýanyma gelen
badyna, sizi görmäge özüm bilen bile
ony hem alyp bararyn. 24 Ähli ýolbaş-
çylaryňyza we Hudaýyň tutuş halkyna
salam aýdyň. Italiýaly doganlar size sa-
lam ýollaýarlar. 25 Hemmäňize Hudaýyň
merhemeti ýar bolsun! [a]

[a] **13:25** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Ýohanna gelen aýanlyk

## Giriş

*Ýohanna gelen aýanlyk* Isa Mesihe Reb hökmünde iman edip, Oňa eýeren mesihileriň yzarlanan döwründe ýazyldy. Awtoryň esasy maksady iman ugrundaky şeýle yzarlanmalar we jebir-jepalar döwründe imanlylary ruhlandyryp, olara umyt bermekden ybaratdyr. Ol okyjylaryny şeýle döwürde öz imanlaryna sadyk galmaga çagyrýar.

Kitap esasan-da nyşanlar arkaly beýan edilen aýanlyklardan we görnüşlerden ybaratdyr. Olaryň nyşanlar arkaly berlen beýany şol döwürde ýaşan mesihiler üçin düşnükli bolsa-da, biziň döwrümiz üçin gizlin syr bolup durýandyr. Aýdymlaryň, sazlaryň, goşgularyň mowzuklary ýaly, bu kitabyň hem mowzugy dürli görnüşler topary arkaly dürli tärlerde öwran-öwran gaýtalanýar. Kitabyň düşündirişleriniň dürli-dürlüdigine garamazdan, onuň esasy mowzugy aýdyňdyr: Hudaý biziň Rebbimiz Isa Mesih arkaly Öz duşmanlaryny, şol sanda iblisi gutarnykly we doly ýeňjekdir. Bu ýeňiş doly amala aşandan soň Hudaý Özüne sadyk galan halkyny täze gögüň we täze ýeriň ýalkanyşlary bilen sylaglajakdyr.

***Mazmuny***


Giriş ........ *1:1-8*
Açyk görnüş we ýedi ýygnaga hat ........ *1:9–3:22*
Gökdäki tagt ........ *4:1–4:11*
Ýedi möhür bilen möhürlenen hat ........ *5:1–8:1*
Ýedi surnaý ........ *8:2–11:19*
Aždarha we iki jandar ........ *12:1–13:18*
Dürli görnüşler ........ *14:1–15:8*
Hudaýyň gazaby we ýedi käse ........ *16:1-21*
Babyl weýran edilýär, jandar, galp pygamber we iblis ýeňilýär. *17:1–20:10*
Iň soňky höküm ........ *20:11-15*
Täze gök, täze ýer we täze Iýerusalim ........ *21:1–22:5*
Jemleme ........ *22:6-21*

## 1-nji bap

1 Bu kitap Isa Mesihiň beren aýanlygydyr.
Hudaý ýakyn wagtda bolmaly wakala-
ry Öz bendelerine aýan etmek üçin, bu
aýanlygy Isa Mesihe berdi. Isa Mesih
hem ony Hudaýyň perişdesi arkaly Öz
guly Ýohanna aýan etdi. 2 Ýohanna hem
Hudaýyň Isa Mesih baradaky habaryny,
ýagny gören zatlarynyň baryny şaýat
hökmünde beýan etdi. 3 Bu pygamberlik
sözlerini ýygnaga okap berýän bagt-
lydyr! Bu sözleri eşidip, olary ýerine
ýetirýän bagtlydyr, çünki bu pygam-
berligiň berjaý bolmaly wagty golaýdyr.

### *Ýedi ýygnaga salam*

4 Aziýa welaýatyndaky ýedi ýygnaga
men Ýohannadan dogaýy salam! Ozal
bolan, häzir hem bar, gelejekde hem bol-
jak Hudaýyň, Onuň tagtynyň öňündäki
Hudaýyň ýedi Ruhunyň merhemeti size
ýar bolsun! 5-6 Ölümden ilkinji bolup
direlen, dünýä şalarynyň Hökümdary
bolan sadyk şaýat Isa Mesihiň merhe-
meti we parahatlygy size ýar bolsun!

Şöhrat we gudrat baky Mesihiňkidir!
Çünki Ol bizi söýensoň, ganyny döküp,
günälerimizden azat etdi. Ol bizden
Şalyk ýaradyp, Atasy Hudaýa hyz-
mat etmek üçin bizi ruhanylar belledi.
Omyn! 7 Ine, Ol bulutlaryň arasy bilen
gelýär! Ony hemmeler, hatda Ony de-
şim-deşim edenler hem görer. Dünýäniň
ähli halklary Ol sebäpli aglarlar. Bu
dogrudan-da şeýle bolar! Omyn. 8 Hök-
mürowan Reb şeýle diýýär: «Alfa we
Omega[a] Mendirin[b]. Men ozal bolan,
häzir bar, gelejekde hem boljak Hök-
mürowan Rebdirin».

### *Ýohanna Ynsan Ogluna meňzeş Birini görýär*

9 Isa Mesihiň şägirdi hökmünde görgü-
lere, Hudaýyň Şalygyna we çydamlylyga
şärikdeşiňiz bolan men Ýohanna dogany-
ňyz Patmos diýen adadadym. Men Hoş
Habary wagyz edip, Isa Mesih hakda
şaýatlyk edenim sebäpli bu ada sürgün
edilipdim. 10 Rebbiň gününde Oňa sež-
de edýärkäm, meniň üstüme Mukaddes
Ruh indi. Onsoň men ýeňse tarapymda
surnaýyňky ýaly güýçli bir ses eşitdim.
Ol ses: 11 «Görýänleriňi ýaz-da, ony ýedi
ýygnaga: Efese, Izmire, Pergamona, Ti-
ýatira, Sardise, Filadelfiýa we Laodikiýa
ýolla» diýdi. 12 Men özüm bilen gepleşýäni
görjek bolup, ses gelen tarapa öwrüldim.
Öwrülenimde, ýedi altyn çyradany, 13 ola-
ryň arasynda bolsa ynsan ogluna meňzeş
Birini gördüm. Onuň egnindäki lybasy
topugyna düşüp durdy, bilinde bolsa al-
tyndan guşagy bardy. 14 Onuň saçlary ýüň
ýaly, gar ýaly ap-akdy, gözleri alawlaýan
ot ýalydy, 15 aýaklary kürede gyzardylan
mis ýaly ýalpyldaýardy, sesi ägirt umma-
nyň güwwüldisi ýalydy. 16 Sag elinde ýedi
ýyldyz bardy, agzyndan iki ýüzli kesgir
gylyç çykyp durdy. Onuň ýüzi süýrgü-
nortanyň Güni kimin parlaýardy. 17 Men
Ony gören badyma öli kimin aýaklaryna
ýykyldym. Emma Ol elini egnime goýup,
şeýle diýdi: «Gorkma! Ilkinji we Ahyrky
Mendirin. 18 Men diridirin. Ölüdim, ýöne,
ine, indi ebedilik diridirin. Ölümiň-de,

---

[a] **1:8** ***Alfa we Omega*** – Alfa grek elipbiýiniň birinji, Omega bolsa iň soňky harpy.
[b] **1:8** ***Alfa we Omega Mendirin*** – käbir golýazmalarda *Alfa we Omega, Başlangyç we Soň Mendirin.*

---

**1:7** Zak 12:10. **1:13-14** Dan 7:9,13.

ölüler dünýäsiniň-de açary Mendedir.
19 Ozalky, şu wagt görýänleriňi we mun-
dan beýläk görjek zatlaryňyň baryny ýaz.
20 Meniň sag elimde görýän ýedi ýyldyzyň
we ýedi altyn çyradanyň syry şeýle: ýedi
ýyldyz ýedi ýygnagyň perişdelerini, ýedi
çyradan hem ýedi ýygnagy aňladýandyr».

## 2-nji bap

### *Efesdäki ýygnaga*

1 «Efesdäki ýygnagyň perişdesine şu-
ny ýaz:
Ýedi ýyldyzy sag elinde Saklaýan, ýedi
altyn çyradanyň arasynda Gezýän şeýle
diýýär: 2 „Men seniň ähli edenleriňi, şol
sanda zähmet çekendigiňi, gaýratlydy-
gyňy bilýärin. Seniň ýaman adamlary
ýigrenýändigiňi hem bilýärin. Sen öz-
lerini resul saýýanlary synap, olaryň
ýalan resuldyklaryny äşgär etdiň. 3 Sen
gaýratlysyň, Meniň ugrumda köp mu-
şakgatlara çydadyň, ruhdan düşmediň.
4 Emma sende oňlamaýan bir zadym bar:
sen Meni ilkibaşda söýşüň ýaly söýme-
ýärsiň. 5 Şonuň üçin, haýsy belentlikden
ýykylanyňy ýadyňa sal! Toba et-de, il-
kibaşda eden işleriňi amal et! Eger toba
gelmeseň, ýanyňa baryp, çyradanyňy
ýerinden aýraryn. 6 Ýöne şu edýänleriňi
welin oňlaýaryn: sen nikolaçylaryň[a]
edýän işlerini ýigrenýärsiň. Men hem
olary ýigrenýärin. 7 Gulagy bar adam
Mukaddes Ruhuň ýygnaklara näme diý-
ýänini eşitsin! Ýamanlykdan üstün gelene
Hudaýyň jennetdäki ýaşaýyş daragtynyň
miwesinden iýmäge rugsat ederin“».

### *Izmirdäki ýygnaga*

8 «Izmirdäki ýygnagyň perişdesine
şuny ýaz:
Ölen we Direlen, Ilkinji we Ahyrky
şeýle diýýär: 9 „Men seniň muşakgatla-
ryňy we garyplygyňy bilýärin, aslynda
welin sen baýsyň! Men özlerini ýahudy
saýýanlaryň saňa dil ýetirýändiklerini
hem bilýärin. Ýöne olar ýahudylar däl-
de, şeýtanyň üýşmeleňidir. 10 Görjek
görgüleriňden gorkma! Ine, synamak
üçin, iblis siziň käbirleriňizi tussag etdi-
rer. Siz on günläp muşakgat çekersiňiz.
Ölüm howpy üstüňe abananda-da, sadyk
gal, Men saňa ýaşaýyş täjini bererin.
11 Gulagy bar adam Mukaddes Ruhuň
ýygnaklara näme diýýänini eşitsin! Ýa-
manlykdan üstün gelen ikinji ölümiň
jebirlerine duçar bolmaz“».

### *Pergamondaky ýygnaga*

12 «Pergamondaky ýygnagyň perişde-
sine şuny ýaz:
Iki ýüzli kesgir gylyjy Bolan şeýle diý-
ýär: 13 „Seniň nirede ýaşaýanyňy bilýärin,
şeýtanyň tagty hem şol ýerdedir. Emma
muňa garamazdan, sen Maňa sadyk
bolup galansyň. Sen hatda öz şäheriň-
de, hawa, şeýtanyň ýaşaýan şäherinde
sadyk güwäm Antibiň öldürilen günle-
rinde-de Maňa bolan imanyňdan dänen
dälsiň. 14 Ýöne sende oňlamaýan käbir
zatlarym bar. Siziň araňyzda Bilgamyň
taglymatyna eýerýänler bar. Bilgam ys-
raýyl halkyny günäniň toruna salmagyň
ýoluny Ballaga öwretdi. Şeýdip, ysraýyl
halky buta berlen gurbanlygy iýip, zyna
etdi. 15 Şeýle-de, araňyzda nikolaçylaryň
taglymatyna eýerýänler hem bar. 16 Toba
et! Ýogsa tizara ýanyňa baryp, agzym-
daky gylyç bilen olara garşy urşaryn.
17 Gulagy bar adam Mukaddes Ruhuň
ýygnaklara näme diýýänini eşitsin!
Ýamanlykdan üstün çykana ýaşyryn

[a] **2:6** ***Nikolaçylar*** – Nikola atly galp mugallymyň şägirtleri.

saklanan mannadan [a] bererin. Mundan
başga-da, oňa ýüzüne täze at ýazylgy
bir ak daş bererin. Bu ady daşy aljak
adamdan başga hiç kim bilmez“».

### *Tiýatiradaky ýygnaga*

18«Tiýatiradaky ýygnagyň perişdesi-
ne şuny ýaz:
Gözleri alawlaýan ot ýaly, aýaklary
mis ýaly ýalpyldaýan Hudaýyň Ogly [b]
şeýle diýýär: 19„Men seniň ähli edenle-
riňi, söýgiňi, imanyňy, hyzmatyňy we
gaýratyňy bilýärin. Seniň häzirki ed-
ýänleriňiň ozalkylardan köpdügini hem
bilýärin. 20Emma sende oňlamaýan bir
zadym bar: sen özüni pygamber saýýan
Izebel atly aýalyň edenlerine geçirimli-
lik edýärsiň. Ol Meniň bendelerimi öz
taglymaty bilen azdyryp, olara zyna-
horlyk etdirjek bolýar, buta hödürlenen
gurbanlyklardan iýdirjek bolýar. 21Men
oňa toba etmäge wagt berdim, ýöne ol
azgynlygyndan ýüz öwresi gelenok.
22Şonuň üçin-de, Men ony hassalyk
düşeginde ýatyraryn. Bu aýal bilen zy-
na edenlere-de, onuň azgynlygyndan [ç]
ýüz öwürmeseler, jebir-jepa çekdirerin.
23Men onuň çagalaryny hem öldürerin.
Şonda hemme ýygnaklar Meniň ýürek-
leri we pikirleri derňeýändigimi bilerler.
Men siziň her biriňize eden işleriňize
görä jeza bererin. 24-25Emma size, ýagny
Tiýatiradaky Izabeliň bu taglymatyna
eýermedikleriň we ‘şeýtanyň syrlary’
diýilýänleri bilmeýänleriň baryna şuny
aýdýaryn: eger imanyňyzy Men gelýän-
çäm saklasaňyz, siziň üstüňize başga zat
ýüklemerin. 26-28 Atamyň Maňa ygty-
ýar berşi ýaly, Men hem ýamanlykdan
üstün çykana, Meniň yradamy ahyra
çenli berjaý edene milletleriň üstünden
ygtyýar bererin. Ol milletleri demir ha-
sasy bilen dolandyrar; olary küýzegäriň
golçasy deý çym-pytrak eder. Men oňa
daň ýyldyzyny hem bererin. 29Gulagy
bar adam Mukaddes Ruhuň ýygnaklara
näme diýýänini eşitsin!“»

## 3-nji bap

### *Sardisdäki ýygnaga*

1«Sardisdäki ýygnagyň perişdesine
şuny ýaz:
Hudaýa hyzmat edýän ýedi Ruhy Do-
landyrýan, elinde ýedi ýyldyzy Saklaýan
şeýle diýýär: „Men seniň ähli edenleriňi
bilýärin. Sen diri hasaplansaň-da, ölüsiň.
2Oýan! Özüňde galan we öljek bolup
duran zatlary berkit. Sebäbi Hudaýyň
nazarynda işleriňiň biri-de kämil däl
eken. 3Eşidenleriňi we öwrenenleriňi
ýada sal, olary berjaý et-de toba gel.
Oýanmasaň, bir ogry ýaly bararyn. Me-
niň haýsy sagatda üstüňe barjagymy-da
bilmän galarsyň. 4Ýöne Sardisde öz ly-
basyny hapalamadyk birnäçe adam bar.
Olar Meniň bilen ak lybaslara beslenip
gezerler, sebäbi muňa mynasypdyrlar.
5Ýamanlykdan üstün gelen hem ak ly-
basa beslener. Men onuň adyny ýaşaýyş
kitabyndan öçürmerin, Atamyň we
Onuň perişdeleriniň huzurynda adynyň

---

[a] **2:17** ***Manna*** – çölde Hudaý tarapyndan ysraýyllara berlen üýtgeşik iýmit. Sözlüge seret.
[b] **2:18** ***Hudaýyň Ogly*** – Köne Ähtde bu at patyşalar üçin ulanylýardy. Täze Ähtde bolsa bu at Hudaý tarapyndan saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar. Sözlüge seret.
[ç] **2:22** ***Onuň azgynlygyndan*** – käbir golýazmalarda *öz azgynlyklaryndan*.

---

**2:26-28** Zeb 2:8-9.

bu kitapda ýazylandygyny tassyklaryn.
6 Gulagy bar adam Mukaddes Ruhuň
ýygnaklara näme diýýänini eşitsin!“»

### *Filadelfiýadaky ýygnaga*

7 «Filadelfiýadaky ýygnagyň perişde-
sine şuny ýaz:
Bu habar mukaddes we hakyky Bo-
landandyr. Ol Dawut açarynyň Eýesidir.
Onuň açan gapysyny hiç kim ýapyp
bilmez. Onuň ýapan gapysyny hiç
kim açyp bilmez. Ine, Ol şeýle diý-
ýär: 8 „Seniň ähli edenleriňi bilýärin.
Ine, öňüňde bir gapyny açyp goýdum,
ony hiç kim ýapyp bilmez. Güýjüňiň
azdygyny hem bilýärin. Ýöne muňa ga-
ramazdan, Meniň sözümi berjaý etdiň,
adymdan dänmediň. 9 Men şeýtanyň
üýşmeleňini gelip, aýagyňa ýykylmaga
mejbur ederin, olar seni söýýändigimi
bilerler. Olar özlerini ýahudy saýsa-
lar-da, olar asla ýahudy däl, olar ýalan
aldaýarlar. 10 Sen buýruklarymy berjaý
edip, imanda berk durduň. Şoňa görä-de,
ýer ýüzüniň ýaşaýjylaryny synamak
üçin bütin dünýäniň üstünden injek
synag pursadynda seni goraryn. 11 Men
basym bararyn. Täjiňi hiç kim almaz
ýaly, imanda berk dur. 12 Ýamanlykdan
üstün geleni Hudaýymyň ybadathana-
synyň diregi ederin. Ol şol ýerde baky
galar. Men onuň maňlaýyna Hudaýymyň
adyny we Hudaýymyň şäheriniň adyny
ýazaryn. Bu şäher gökden, Hudaýymyň
huzuryndan inýän täze Iýerusalimdir.
Men onuň maňlaýyna Öz adymy hem
ýazaryn. 13 Gulagy bar adam Mukad-
des Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini
eşitsin!“»

### *Laodikiýadaky ýygnaga*

14 «Laodikiýadaky ýygnagyň periş-
desine şuny ýaz:
Sadyk we dogruçyl Şaýat, Hudaýyň
ýaradanlarynyň Başy, Omyn diýip At-
landyrylýan şeýle diýýär: 15 „Seniň ähli
edenleriňi bilýärin, seniň ne sowuk,
ne-de gyzgyndygyňy bilýärin. Wah,
käşgä sowuk ýa gyzgyn bolsadyň! 16 Sen
ne gyzgyn, ne-de sowuk, ýöne ýyly
bolanyň üçin Men seni gusaryn. 17 Sen:
‘Men baýdyryn, baýap, zada zar däldirin’
diýýärsiň. Aslynda welin nalajedeýin,
betbagt, gedaý, kör we ýalaňaçdygyňy
bilmeýärsiň! 18 Gel, Men saňa maslahat
bereýin: baýar ýaly, Menden otda aras-
salanan altyny satyn al; ýalaňaçlygyň
aýbyny örter ýaly, Menden ak egin-
eşik satyn al; görüp biler ýaly, Menden
gözüňe melhem satyn al. 19 Men Öz
söýýänlerime käýäp, olary terbiýele-
ýändirin. Şonuň üçin-de, yhlasly bol,
toba et! 20 Ine, men işikde duryn, gapyny
kakýaryn. Sesimi eşidip, gapyny açanyň
öýüne girerin. Men onuň bilen, ol hem
Meniň bilen bir saçak başynda tagam
iýer. 21 Men ýamanlykdan üstün gelip,
Atam bilen Onuň tagtynda oturyşym
ýaly, ýeňijä-de Meniň bilen Öz tagtym-
da oturmaga ygtyýar bererin. 22 Gulagy
bar adam Mukaddes Ruhuň ýygnaklara
näme diýýänini eşitsin!“»

## 4-nji bap

### *Gökdäki tagt*

1 Şondan soň gökde bir açyk gapyny
gördüm. Ilkibaşda meniň bilen gep-
leşen, surnaýyň sesine meňzeýän ses
maňa: «Ýokary çyk, Men saňa mundan
soň bolmaly zatlary görkezeýin» diýdi.
2 Şol pursadyň özünde meniň üstüme
Mukaddes Ruh indi. Men gökde bir tag-
tyň duranyny, onuň üstünde-de Biriniň
oturandygyny gördüm. 3 Tagtda Otura-
nyň keşbi ýaşma, hakyk daşlary kimin

şöhle saçýardy, tagtyň töwereginde zü-
merret ýaly älemgoşar bardy. 4 Tagtyň
töwereginde ýene-de ýigrimi dört tagt
bardy, bu tagtlaryň üstünde ýaşulular
otyrdy. Olaryň egninde ak lybaslary,
başlarynda altyn täçleri bardy. 5 Tagt-
dan ýyldyrymlar çakýardy, batly sesler
we gök gürrüldisi eşidilýärdi. Tagtyň
öňünde ýedi çyra ýanyp durdy, bu Hu-
daýyň ýedi Ruhudy. 6 Tagtyň garşysynda
bulgur kimin dury, çüýşeden ýasalan
ýaly bir deňiz bardy. Tagtyň ortasynda
we töwereginde dört sany mahluk bar-
dy. Olaryň öňi-de, arkasy-da gözlerden
doludy. 7 Birinji mahluk arslana, ikinji
mahluk öküze meňzeýärdi. Üçünji mah-
lugyň ýüzi adamyň ýüzi ýalydy, dördünji
mahluk uçup barýan bürgüde meňze-
ýärdi. 8 Bu dört mahlugyň hersiniň alty
ganaty bardy. Olaryň hemme ýeri, hatda
ganatlarynyň aşagy-da gözlerden dos-
doludy. Olar gije-gündiz yzyny üzmän:

«Hökmürowan Reb Hudaý
mukaddesdir,
mukaddesdir, mukaddesdir,
Ol geçmişde bardy, häzir hem bar,
gelejekde hem boljakdyr» –
diýip gaýtalaýardylar.

9 Mahluklar her gezek tagtda Oturany,
baky ýaşaýan Hudaýy şöhratlandyryp,
Oňa hormat bildirip, şükür edenlerinde,
10 ýigrimi dört ýaşuly tagtda Oturanyň
öňünde ýüzin düşüp, baky ýaşaýan Hu-
daýa sežde edýärdiler, täçlerini tagtyň
öňünde goýup:

11 «Ýa Reb Hudaýymyz!
Sen şöhrata, hormata we
gudrata mynasypsyň.
Hemme zady Sen ýaradansyň.
Ählisi yradaňa görä döredildi
we ýaradyldy» diýýärdiler.

## 5-nji bap

### *Düýrlenen kagyz we Guzy*

1 Men tagtda Oturanyň sag elinde
düýrlenen bir kagyz gördüm. Onuň
iki tarapynda-da ýazgylar bolup, ýe-
di möhür bilen möhürlenendi. 2 Soňra
güýçli bir perişdäni gördüm. Ol bat-
ly sesi bilen: «Düýrlenen kagyzyň
möhürlerini döwmäge[a], ony açma-
ga kim mynasyp?» diýip soraýardy.
3 Emma düýrlenen kagyzy açyp, oňa
seredip biljek adam ne gökde, ne ýer-
de, ne-de ýeriň astynda bardy. 4 Men
ajy gözýaş döküp agladym, sebäbi
düýrlenen kagyzy açyp, onuň içine
seretmäge mynasyp hiç kim tapyl-
mady. 5 Şonda ýaşulularyň biri maňa
şeýle diýdi: «Aglama! Ine, Ýahuda ti-
resinden, Dawudyň kökünden bolan
Arslan üstün çykdy. Ol ýedi möhür
bilen möhürlenen düýrlenen kagyzy
açmagy başarar». 6 Onsoň men dama-
gy çalnan guza meňzeýän bir Guzyny
gördüm. Guzy tagtyň ortasynda, dört
mahluk bilen ýaşulularyň arasynda
durdy. Guzynyň ýedi şahy bilen ýe-
di gözi bardy. Bu gözler Hudaýyň
bütin dünýä iberilen ýedi Ruhudyr.
7 Guzy geldi-de, tagtda Oturanyň
sag elinden düýrlenen kagyzy aldy.
8 Ol düýrlenen kagyzy eline alanda,
dört mahluk we ýigrimi dört ýaşuly
Guzynyň öňünde ýüzin düşüp, Oňa
sežde etdiler. Olaryň her biriniň elin-
de arfa we ýakymly ysly tütetgiden
doly altyn käse bardy. Bu ýakymly
ysly tütetgiler Hudaýyň halkynyň do-
ga-dilegleridir. 9 Olar täze bir aýdym
aýdýardylar:

[a] **5:2** ***Möhürlerini döwmäge*** – gadymy döwürlerde haty sürgüç bilen möhürleýärdiler.

Sen mynasypsyň bu kagyzy
almaga,
hem-de onuň möhürlerini
döwmäge.
Çünki Sen damagyň çalnyp, Öz
ganyň bilen,
her tireden, her dilden,
her halkdan hem-de milletden
Hudaý üçin adamlary[a] satyn
alansyň.
10 Sen olardan şalyk ýaratdyň,
Hudaýymyza hyzmat etmek
üçin olary ruhany bellediň,
olar ýer ýüzünde şalyk
sürerler[b]!
11 Onsoň men tagtyň, janly mahlukla-
ryň hem-de ýaşulularyň töweregindäki
perişdeleri gördüm we olaryň seslerini
eşitdim. Olar sanardan köpdi, müňlerçe
müňdi, on müňlerçe on müňdi. 12 Olar
batly ses bilen:
«Damagy çalnan Guzy
güýji hem-de baýlygy,
paýhasy hem gudraty,
hormaty hem şöhraty
öwgüleri almaga mynasypdyr!»
diýýärdiler.
13 Onsoň gökdäki, ýer ýüzündäki, ýer
astyndaky we deňizdäki her bir mahlu-
gyň, älemdäki bar zadyň:
«Tagtda Oturana we Guza
baky öwgüler bolsun!
Hormat, şöhrat we gudrat
Olara baky ýar bolsun!»
diýýänlerini eşitdim.
14 Dört mahluk «Omyn!» diýýärdi, ýa-
şulular ýüzin düşüp, sežde edýärdiler[ç].

**6-njy bap**

***Ýedi möhür***

1 Onsoň men Guzynyň ýedi möhüriň
birini döwenini gördüm. Şonda mah-
luklaryň biriniň gök gürrüldisi ýaly
ses bilen «Bäri çyk[d]!» diýenini eşit-
dim. 2 Görsem, ine, bir ak at dur. Onuň
üstündäki atlynyň elinde ýaý bardy. Bu
atlynyň başyna bir täç geýdirildi. Ol tä-
ze ýeňişlere taýyn ýeňiji kimin çykdy.
3 Guzy ikinji möhüri döwende, ikinji
mahlugyň hem: «Bäri çyk!» diýenini
eşitdim. 4 Şonda ikinji bir at – gyzyl
at çykdy. Adamlar biri-birini öldürer
ýaly, şol atla ýer ýüzüni parahatlykdan
mahrum etmäge ygtyýar berlendi. Oňa
uly bir gylyç hem berildi. 5 Guzy üçünji
möhüri döwende, üçünji mahlugyň hem:
«Bäri çyk!» diýenini eşitdim. Görsem,
ine, bir gara at dur. Onuň üstündäki
atlynyň elinde bir terezi bardy. 6 Onsoň
men dört mahlugyň arasyndan göýä bir
sesiň: «Uzakly gün işläp gazanjak haky
diňe bir käse bugdaý bilen üç käse arpa
ýetsin! Emma zeýtun we üzüm agaçlary-
ny zaýalama!» diýenini eşitdim. 7 Guzy
dördünji möhüri döwende, dördünji mah-
lugyň hem: «Bäri çyk!» diýenini eşitdim.
8 Görsem, ine, reňki solgun bir at dur.
Onuň üstündäki atlynyň ady Ölümdi,
onuň yzyndan ölüler dünýäsi gelýärdi.
Olara ýeriň dörtden bir bölegine ygty-
ýar berlip, şol ýerdäki adamlary gylyç,
açlyk, mergi, wagşy haýwanlar bilen
öldürmäge rugsat edilipdi. 9 Guzy bäşinji

[a] **5:9** ***Adamlary*** – käbir golýazmalarda *bizi*.
[b] **5:10** ***Olary ruhany belllediň, olar ýer ýüzünde şalyk sürerler*** – bu jümle käbir golýazmalarda *bizi ruhany belllediň, biz ýer ýüzünde şalyk süreris* diýip duş gelýär.
[ç] **5:14** ***Sežde edýärdiler*** – käbir golýazmalarda *baky ýaşaýan Hudaýa sežde edýärdiler*.
[d] **6:1** Käbir golýazmalarda *Bäri çyk-da, gör*, şeýle hem 3, 5 we 7-nji aýatlarda.

möhüri döwende, gurbanlyk sypasynyň
aşagynda Hudaýyň Hoş Habary ugrunda
we eden şaýatlyklary üçin öldürilen-
leriň janlaryny gördüm. 10 Olar batly
ses bilen gygyryp: «Eý, mukaddes we
hakyky Reb! Sen ýer ýüzüniň ilatyny
haçan höküm etjek? Biziň ganymyzy
olardan haçan sorajak?» diýip soradylar.
11 Şonda olara ak lybas berlip, ýene az
salym sabyr etmelidigini aýtdylar. Çünki
olaryň hataryna özleri ýaly öldüriljek
ýoldaşlarynyň we doganlarynyň doly
sany goşulmalydy. 12 Guzy altynjy mö-
hüri döwende, ýeriň gaty çaýkananyny
gördüm. Gün gara ýüňden dokalan jul
kimin garaldy, Aý bolsa gana döndi.
13 Asmandaky ýyldyzlar ýere paýyr-
dap döküldiler. Olar bişmedik injirleriň
güýçli ýeliň zarbyna ýere dökülişi ýaly
gaçdylar. 14 Gök hem kagyz kimin düýr-
lenip, gözden ýitdi. Daglaryň, adalaryň
ählisi öz ýerinden gozgandy. 15 Dünýäniň
şalary, şazadalary, müňbaşylary, baýlary,
ygtyýarlylary, hemme gullar we azat
adamlar gowaklarda, dagyň gaýalarynda
gizlendiler. 16 Olar daglara we gaýalara
ýüzlenip, şeýle diýdiler: «Biziň üstü-
mize ýykylyň! Bizi tagtda Oturanyň
ýüzünden, Guzynyň gazabyndan gizläň!
17 Çünki Olaryň [a] gazabynyň güni ýetip
geldi. Muňa döz geljek barmy?»

## 7-nji bap

### *Möhürlenen 144000 adam*

1 Şundan soň ýeriň dört burçunda duran
dört perişdäni gördüm. Olar ýer ýüzüne,
deňze ýa-da agaçlara öwüsmesin diýip,
ýeriň dört tarapyndaky ýelleri saklap
durdular. 2 Olara ýere, deňze zyýan
ýetirmeklik ygtyýary berlipdi. Soňra
gündogardan ýokary çykyp barýan pe-
rişdäni gördüm. Onda Diri Hudaýyň
möhüri bardy. Ol şol dört perişdä batly
gygyryp, şeýle diýdi: 3 «Biz Hudaýy-
myzyň gullarynyň maňlaýyna möhür
basýançak, ýere, deňze we agaçlara
zyýan ýetirmäň!» 4 Men möhürlenenle-
riň sanyny eşitdim. Ysraýyl halkynyň
ähli tirelerinden bir ýüz kyrk dört müň
adam möhürlenendi:

5 Ýahuda tiresinden on iki müň
adam,
ruben tiresinden on iki müň adam,
gat tiresinden on iki müň adam,
6 aşer tiresinden on iki müň adam,
naftaly tiresinden on iki müň
adam,
manaşa tiresinden on iki müň
adam,
7 şimgon tiresinden on iki müň
adam,
lewi tiresinden on iki müň adam,
ysakar tiresinden on iki müň
adam,
8 zebulun tiresinden on iki müň
adam,
ýusup tiresinden on iki müň
adam,
benýamin tiresinden on iki müň
adam.

### *Ak lybasa beslenen mähelle*

9 Mundan soň her milletden, her halk-
dan, her tireden, her dilden bolan, hiç
kimiň sanap bilmejek ägirt mähellesiniň
tagtyň we Guzynyň öňünde durany-
ny gördüm. Olar ak lybasdadylar we
ellerinde palma agajynyň şahalary
bardy. 10 Olar batly ses bilen gygyryp:
«Tagtda oturan Hudaýymyz we Gu-
zy biziň Halasgärimizdir» diýýärdiler.

[a] **6:17** ***Olaryň*** – käbir golýazmalarda *Onuň*.

[11]Tagtyň, ýaşulularyň we dört mahlugyň
töweregindäki perişdeleriň ähli̇si ýüzin
düşüp, Hudaýa sežde etdiler. [12]Olar şeýle
diýýärdiler:

«Omyn!
Hudaýymyza öwgi, şan-şöhrat
bolsun!
Oňa paýhas, şükürler, hormat,
gudrat we kuwwat
ebedilik ýar bolsun!
Omyn!»

[13]Onsoň ýaşululardan biri menden:
«Bu ak lybasa beslenenler kim, nire-
den gelipdirler?» diýip sorady. [14]Men:
«Muny sen bilýänsiň, agam!» diýip jo-
gap berdim. Ýaşuly: «Bular şol agyr
muşakgatlary başdan geçirenler. Olar
öz lybaslaryny Guzynyň gany bilen
ýuwup, olary ap-ak etdiler. [15]Şoňa görä,
olar Hudaýyň tagtynyň öňünde bolup,
gije-gündiz Onuň ybadathanasynda Oňa
hyzmat edýärler. Tagtda Oturan olary
Öz penasynda saklaýar. [16]Olar indi asla
ajykmazlar, asla suwsamazlar, olary gün
urmaz, jöwza-da ýakmaz. [17]Çünki tag-
tyň ortasynda duran Guzy olary bakar,
olary ýaşaýyş suwunyň gözbaşlaryna
äkider. Hudaý olaryň gözýaşlarynyň
her damjasyny süpürer».

## 8-nji bap

### *Ýedinji möhür*

[1]Guzy ýedinji möhüri döwende, gökde
ýarym sagada golaý ümsümlik boldy.
[2]Men Hudaýyň öňünde duran ýedi
perişdäni gördüm. Olara ýedi surnaý
berildi. [3]Başga bir perişde gelip, gur-
banlyk sypasynyň öňünde durdy. Onuň
elinde altyndan gap bardy. Bu perişdä
köp mukdarda ýakymly ysly tütetgi
berildi. Ol bu tütetgini Hudaýyň hal-
kynyň doga-dileglerine goşup, tagtyň
öňündäki altyndan ýasalan gurbanlyk
sypasynda hödür etmelidi. [4]Hudaýyň
halkynyň doga-dilegleri bilen birlikde
ýakymly ysly tütetginiň tüssesi periş-
däniň elinden Hudaýyň huzuryna tarap
ýokary göterildi. [5]Perişde gaby alyp, ony
gurbanlyk sypasyndaky otdan doldur-
dy-da, ony gökden ýere zyňdy. Şonda
gök gürläp, güňleç gürrüldi eşidildi,
ýyldyrym çakyp, ýer titredi.

### *Ýedi surnaý*

[6]Onsoň ýedi perişdäniň hersi elin-
däki surnaýy çalmaga taýýarlandylar.
[7]Birinji perişde surnaýyny çaldy. Gan
gatyşykly doly we ot döräp, ýer ýüzüne
döküldi. Ýeriň üçden biri [a], agaçlaryň
üçden biri, gök otlaryň bary ýanyp köýdi.
[8]Ikinji perişde surnaýyny çaldy. Şonda
alawlap ýanýan äpet dag ýaly bir zat deň-
ze zyňyldy. Deňziň suwunyň üçden biri
gana öwrülip, [9]onda ýaşaýan janly-jan-
darlaryň üçden biri gyryldy, gämileriň
üçden biri heläk boldy. [10]Üçünji perişde
surnaýyny çaldy. Gökden alawlap ýan-
ýan ot ýaly äpet bir ýyldyz derýalaryň
üçden biriniň üstüne, suw gözbaşlaryna
gaçdy. [11]Ol ýyldyzyň ady Ýowşandyr.
Suwlaryň üçden biri ajady. Ajy suwdan
içen adamlaryň ençemesi öldi. [12]Dör-
dünji perişde surnaýyny çaldy. Günüň
üçden bir bölegine, Aýyň üçden bir
bölegine, ýyldyzlaryň üçden bir bö-
legine zarba urlup, olaryň üçden bir
bölegi garaldy. Netijede, gündiziň we
gijäniň üçden bir bölegi ýagtysyz galdy.
[13]Soňra men gökde uçup ýören bürgüdi [b]

[a] **8:7 *Ýeriň üçden biri*** – bu sözler käbir golýazmalarda ýok.
[b] **8:13 *Bürgüdi*** – käbir golýazmalarda *perişdäni*.

gördüm. Onuň batly ses bilen şeýle diý-
ýänini eşitdim: «Surnaý çaljak beýleki
üç perişdäniň surnaýynyň sesinden ýa-
ňa ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň gününe
waý-waý-waý!»

### 9-njy bap

1 Bäşinji perişde surnaýyny çaldy.
Men gökden ýere gaçan bir ýyldyz
gördüm. Ýyldyza dowzah guýusynyň
açary berildi. 2 Ol dowzah guýusyny
açanda, ondan äpet ojagyň tüssesi ýaly
tüsse burugsalap çykdy. Bu tüsseden
ýaňa Gün we Aý garaldy. 3 Tüsseden
ýer ýüzüne çekirtgeler ýagdy. Olara
ýer ýüzündäki içýanlaryňky ýaly güýç
berlipdi. 4 Olara ýer ýüzüniň otuna,
ösümligine ýa-da agajyna däl-de, diňe
maňlaýynda Hudaýyň möhüri bolma-
dyk adamlara zyýan ýetirmek buýruldy.
5 Olara bu adamlary öldürmän, diňe
bäş aýlap gynamaga ygtyýar berildi.
Çekirtgeleriň berýän ezýeti içýanla-
ryň adamy çakanda berýän yzasyna
meňzeýärdi. 6 Adamlar şol günlerde
ölümi agtararlar, ýöne ony tapmazlar.
Ölümi küýsärler, ýöne ölüm olardan
gaçar. 7 Çekirtgeleriň görnüşi söwe-
şe girjek bedewleriňkä meňzeýärdi.
Olaryň başlarynda altyn täje meňzeş
zat bardy, ýüzleri adamyňka meňze-
ýärdi. 8 Saçlary aýalyň saçy, dişleri-de
arslanyňky ýalydy. 9 Olaryň döşi de-
mir sowut ýalydy. Ganatlarynyň sesi
köpsanly söweş arabalarynyň şakyr-
dysyna meňzeýärdi. 10 Içýanlaryňky
ýaly guýruklary we neşderleri bardy.
Adamlara bäş aýlap ejir çekdirmek
üçin berlen güýçleri guýruklaryndady.
11 Olara düýpsüz dowzahyň perişdesi
hökümdarlyk edýärdi. Bu perişdäniň
ady ýewreýçe Abaddon[a], grekçe bol-
sa Apolliýondyr[b]. 12 Birinji bela geçdi,
onuň yzyndan ýene-de iki bela gelýär.
13 Altynjy perişde surnaýyny çal-
dy. Men Hudaýyň öňündäki altyndan
ýasalan gurbanlyk sypasynyň dört şa-
hyndan çykýan sesi eşitdim. 14 Bu ses
eli surnaýly perişdä: «Beýik Ýewfrat
derýasynyň boýunda daňylgy duran
dört perişdäni boşat» diýdi. 15 Dört pe-
rişde boşadyldy. Olar şol ýyl, şol aý,
şol gün, şol sagat üçin taýýarlanylyp,
adamlaryň üçden birini öldürmäge ni-
ýetlenipdi. 16 Atly goşunlarynyň sany
müňlerçe müňdi, olaryň sanyny me-
niň özüm eşitdim. 17 Görnüşimde gören
atlarymyň we olaryň üstündäkileriň
görnüşi şeýledi: atlylaryň sowutlary
ot ýaly gyzyl, goýy gök we kükürt ýa-
ly sarydy; atlaryň kellesi arslanyňka
meňzeýärdi, agyzlaryndan ot, tüsse we
kükürt çykýardy. 18 Adamlaryň üçden
biri olaryň agzyndan çykýan otdan,
tüsseden we kükürtden – şu üç beladan
öldi. 19 Atlaryň güýji hem agyzlarynda,
hem guýruklaryndady. Olaryň guýruk-
lary ýylana meňzeýärdi, sebäbi olaryň
ujy ýylanyň kellesi ýalydy. Olar şonuň
bilen adamlary heläkleýärdiler. 20 Bu
belalardan aman galan adamlar şon-
da-da elleriniň pis işlerinden dänip,
toba gelmediler. Olar jynlara, altyn-
dan, kümüşden, bürünçden, daşdan we
agaçdan ýasalyp, eşitmeýän, görmeýän,
ýöremeýän butlara sežde etmeklerini
bes etmediler. 21 Olar ganhorlyklaryndan,
jadygöýliklerinden, azgynlyklaryndan
we ogurlyklaryndan dänmediler, toba
gelmediler.

[a] **9:11** ***Abaddon*** – ýewreýçe bu söz *heläkleýji* diýmegi aňladýar.
[b] **9:11** ***Apolliýon*** – grekçe bu söz hem *heläkleýji* diýmegi aňladýar.

## 10-njy bap

### *Perişde we kitapça*

1Onsoň men gökden aşak inip gel-
ýän başga bir güýçli perişdäni gördüm.
Ol buluda bürenipdi, onuň başynyň
ýokarsynda älemgoşar şugla saçýardy.
Perişdäniň ýüzi gün ýaly şöhle saçýar-
dy, aýaklary bolsa ot sütünleri ýalydy.
2Elinde açyk kitapça bardy. Ol sag aýa-
gyny deňze, çep aýagyny bolsa ýeriň
üstünde goýdy-da, 3arslanyň arryldysyna
meňzeş batly ses bilen gygyrdy. Soňra
ýedi gök gürrüldisi gürledi. 4Bu ýedi
gök gürrüldisi gürlände, men ýazma-
ga taýýarlandym. Ýöne gökden: «Ýedi
gök gürrüldisiniň aýdanlaryny ýazma,
ýöne möhürle! Goý, olar gizlin galsyn!»
diýen bir ses eşitdim. 5Deňziň we ýe-
riň ýüzünde duranyny gören perişdäm
sag elini göge galdyrdy. 6Ol gögi we
gökdäkileri, ýeri we ýerdäkileri, deňzi
we deňizdäkileri Ýaradanyň, baky ýa-
şaýan Hudaýyň adyndan ant içip, şeýle
diýdi: «Indi gijikme bolmaz! 7Ýedinji
perişdäniň surnaýyny çaljak güni Hu-
daý Öz pygamber gullaryna yglan edişi
ýaly, Onuň syry amala aşar». 8Soňra
gökden eşiden sesim ýene-de meniň
bilen gepleşip, maňa: «Bar, deňziň we
ýeriň ýüzünde duran perişdäniň elin-
däki açyk kitapçany al!» diýdi. 9Men
perişdäniň ýanyna baryp, kitapçany
maňa bermegini haýyş etdim. Ol hem
maňa: «Al, iý! Ol içiňi ajadar, ýöne
agzyňda bal ýaly süýji bolar» diýdi.
10Men kitapçany perişdäniň elinden
alyp iýdim. Ol agzymda bal ýaly süýjüdi,
emma ony iýenimden soň, içim ajady.
11Onsoň ol maňa: «Sen ýene-de köp
halklar, milletler, diller we patyşalar
hakda pygamberlik etmelisiň» diýdi.

## 11-nji bap

### *Iki şaýat*

1Maňa bir ölçeg taýagy berlip, şeýle
diýildi: «Git-de, Hudaýyň ybadathana-
syny, gurbanlyk sypasyny ölçe, ol ýerde
sežde edýänleri sana. 2Emma ybadat-
hananyň daşky howlusyny hasaba alma,
ony ölçeme, sebäbi ol başga milletlere
berlendir. Olar mukaddes şäheri kyrk iki
aýlap depelär. 3Men iki şaýadymy ibe-
rerin. Olar hem jul geýnip, bir müň iki
ýüz altmyş günläp pygamberlik ederler.
4Dünýäniň Rebbiniň öňünde duran iki
zeýtun agajy, iki çyradan, ine, şulardyr.
5Kimdir biri olara zyýan ýetirjek bolsa,
olaryň agzyndan çykan ot duşmanlaryny
köýdürer. Olara zyýan ýetirmekçi bolan
şeýle öldürilmelidir. 6Pygamberlik eden
günleri ýagyş ýagmaz ýaly, olaryň gögi
baglamaga ygtyýary bardyr. Olaryň suwy
gana öwürmäge, ýer ýüzüni islän wagt-
lary dürli bela-külpetlere ýolukdyrmaga
ygtyýarlary bardyr. 7Olar pygamberlikle-
rini tamamlanlarynda, dowzahdan çykan
jandar olar bilen urşar. Jandar olary ýeňer
we öldürer. 8Olaryň jesetleri beýik şäheriň
baş köçesinde serlip ýatar. Olaryň Rebbi
hem bu şäherde haça çüýlendi. Adam-
lar ýaňsylap, bu şäheri „Sodom“ ýa-da
„Müsür“ diýip atlandyrýardylar. 9Her
halkdan, tireden, dilden we milletden
bolan adamlar üç ýarym günläp olaryň
jesetlerine tomaşa ederler we jaýlamaga
rugsat bermezler. 10Ýer ýüzüniň ilaty ola-
ryň bu ýagdaýyna begenişip, baýram eder,
biri-birlerine sowgatlar ýollar. Sebäbi bu
iki pygamber ýer ýüzünde ýaşaýanlara
köp sütem edipdi». 11Emma üç ýarym
günden Hudaýyň dirilik demi olaryň
bedenine girip, olar aýaga galdylar. Mu-
ny görenleri howsala gaplap aldy. 12Iki

pygamber gökden: «Bäri, ýokary çykyň!»
diýýän batly sesi eşitdi. Onsoň olar duş-
manlarynyň gözüniň alnynda bulutda
göge galdylar. 13 Şol sagat bir güýçli ýertit-
reme bolup, şäheriň ondan biri ýumruldy.
Ýertitremede ýedi müň adam heläk boldy.
Aman galanlar gorkup, Gögüň Hudaýyny
şöhratlandyrdylar. 14 Ikinji bela hem geçdi.
Ine, basym, üçünji bela ýetip gelýär!

### *Ýedinji surnaý çalynýar*

15 Ýedinji perişde surnaýyny çaldy.
Gökden:

«Dünýä şalygy indi Rebbimiziň
we Onuň Saýlanynyň
şalygydyr.
Hudaý asyrlarboýy şalyk
sürjekdir» – diýip gygyrýan
batly sesler eşidildi.

16 Hudaýyň öňünde tagtlarynda oturan
ýigrimi dört ýaşuly Onuň öňünde ýüzin
düşdi-de, Oňa sežde edip, 17 şeýle diýdi:

«Ýa Reb Hökmürowan Hudaý!
Sen häzir bar, geçmişde-de
bolduň [a].
Biz Saňa şükür edýäris.
Çünki Sen beýik gudratyňa
beslenip,
şalyk sürüp başladyň.
18 Milletler Saňa gaharlandylar.
Indi Sen hem gazaba mündüň.
Indi ölülere kazylyk etmegiň
wagty geldi.
Seniň gullaryň bolan pygamberleri,
Öz halkyňy we Senden gorkýan
uly-kiçi baryny
sylaglamagyň wagty geldi.
Ýeri harabalyga öwrenleri heläk
etmegiň wagty geldi».

19 Onsoň Hudaýyň gökdäki ybadatha-
nasy açylyp, onuň içindäki Äht sandygy
göründi. Şol pursatda ýyldyrymlar çakdy,
batly sesler, gök gürrüldisi eşidildi, ýer
titräp, güýçli doly ýagdy.

## 12-nji bap

### *Aýal we aždarha*

1 Asmanda täsin bir alamat: Güne
beslenen bir aýal peýda boldy. Onuň
aýaklarynyň astynda ýaňy dogan Aý,
başynda on iki ýyldyzly täji bardy. 2 Aýal
göwrelidi. Dogurjak bolup, burgusy tu-
tup gygyrýardy. 3 Soňra asmanda başga
bir alamat peýda boldy. Bu ýedi kelleli,
on şahly, kellelerinde ýedi täji bolan äpet
gyzyl aždarhady. 4 Ol gökdäki ýyldyz-
laryň üçden birini guýrugy bilen syryp,
ýer ýüzüne zyňdy. Aždarha doguljak ça-
gany bada-bat ýuwutmak üçin, burgusy
tutýan aýalyň öňünde durdy. 5 Aýal bir
ogul – ähli milletleri demir hasasy bilen
dolandyrjak bir oglan dogurdy. Onuň ça-
gasy alnyp, Hudaýyň huzuryna – Onuň
tagtyna eltildi. 6 Aýal bolsa çöle gaçyp
gitdi. Ol çölde müň iki ýüz altmyş gün-
läp iýmitlener ýaly, Hudaý şol ýerde oňa
bir ýer taýýarlapdy. 7 Onsoň gökde uruş
başlandy. Mikaýyl we onuň perişdeleri
aždarha bilen uruşdylar. Aždarha-da
öz perişdeleri bilen olara garşy uruş-
dy. 8 Emma aždarhanyň ýeňmäge güýji
ýetmän, gökdäki ýerlerini elden giderdi.
9 Uly aždarha öz perişdeleri bilen ýere
taşlandy. Hawa, bütin dünýäni azdyryp,
iblis ýa-da şeýtan diýip atlandyrylýan bu
gadymy ýylan ýere taşlandy. 10 Mundan
soň gökden bir batly ses eşitdim. Ol şeýle

---

[a] **11:17** Käbir golýazmalarda *we geljekde boljaksyň* diýen jümle hem bar.

**12:5** Zeb 2:8-9.

diýdi: «Ine, Hudaýymyzyň halas etjek
pursady geldi! Onuň gudraty we şalygy
amala aşdy. Onuň Saýlanynyň hökmüro-
wanlygy berkarar boldy. Hudaýymyzyň
huzurynda doganlarymyzy gije-gündiz
aýyplaýan, olara töhmet atýan şeýtan
aşak zyňyldy. 11 Doganlarymyz Guzynyň
gany arkaly, öz şaýatlyklary arkaly ony
ýeňdiler. Hatda ölüm howpy üstlerine
abananda-da, janlaryny aýamadylar.
12 Şoňa görä, eý, gök we onda ýaşaýanlar,
heşelle kakyň! Eý, ýer we deňiz, siziň
bolsa halyňyza waý! Çünki iblis ýany-
ňyza indi, ol wagtynyň azalandygyny
bilensoň, gazap atyna mündi».

13 Aždarha özüniň ýere zyňlandygyna
düşünende, ogul dogran aýaly kowala-
maga başlady. 14 Aýala ýylanyň öňünden
çöle, bir wagta, iki wagta, ýarym wagta
çenli iýmitlenjek ýerine uçup gaçar ýaly,
uly bürgüdiň iki ganaty berildi. 15 Ýylan
bolsa aýaly sile gark etmek üçin, agzy-
ny açyp, onuň yzyndan derýa ýaly suw
akdyrdy. 16 Emma ýer agzyny açyp, až-
darhanyň agzyndan akdyran derýasyny
ýuwudyp, aýala kömek etdi. 17 Onsoň
aždarha aýala gaty gazaplandy. Ol aýa-
lyň beýleki çagalary, ýagny Hudaýyň
buýruklaryny berjaý edip, Isa barada
şaýatlyk edýänler bilen uruşmaga gitdi.

## 13-nji bap

1 Aždarha deňziň kenarynda durdy[a].

### *Deňizden çykan jandar*

Şondan soň men deňizden bir janda-
ryň çykyp gelýänini gördüm. Onuň on
şahy we ýedi kellesi bardy. Şahlarynyň
hersine bir täç geýdirilgidi, kellelerinde
Hudaýa dil ýetirýän atlar ýazylgydy.
2 Gören jandarym gaplaňa meňzeýärdi.
Aýaklary aýynyň aýaklary ýaly, agzy
bolsa arslanyň agzy ýalydy. Aždarha
bu jandara öz güýjüni, tagtyny we uly
ygtyýaryny berdi. 3 Jandaryň kelleleriniň
birine ölüm ýarasy salnan eken. Ýöne
bu ýara bitdi. Bütin dünýä haýran galyp,
jandaryň yzyna düşdi. 4 Adamlar aždarha
sežde etdiler, sebäbi ol öz ygtyýaryny
jandara beripdi[b]. Olar: «Jandara taý
geljek barmy? Oňa garşy urşup biljek
barmy?» diýip, oňa hem sežde etdiler.
5 Jandara tekepbir we Hudaýa dil ýetir-
ýän sözleri sowurýan bir agyz berildi.
Şeýle hem oňa öz ygtyýaryny kyrk iki
aýlap ulanmaklyk hukugy berildi. 6 Ol
Hudaýa sögmek, Onuň adyna, mesge-
nine, gökde mesgen tutanlara sögmek
üçin agzyny açdy. 7 Jandara Hudaýyň
halky bilen söweşip, olary ýeňmeklik
ygtyýary berildi. Şeýle-de oňa her ti-
räniň, her halkyň, her dilden we her
milletiň üstünden höküm sürmeklik
ygtyýary berildi. 8 Ýer ýüzünde ýaşaýan
her bir ynsan bu jandara sežde eder. Bu
jandara diňe dünýä ýaradylmazdan öň
atlary Ýaşaýyş kitabyna ýazylan adamlar
sežde etmez. Ýaşaýyş kitaby damagy
çalnan Guzynyňkydyr. 9 Gulagy bar
adam eşitsin!

10 Tussag edilmeli[ç] – tussag ediler, gy-
lyçdan ölmeli[d] – gylyçdan öler. Hudaýyň
halkynyň gaýratlylygy we sadyklygy,
ine, şu ýerde gerekdir.

[a] **13:1 *Aždarha… durdy*** – käbir golýazmalarda *Men… durdum.*
[b] **13:4 *Adamlar… beripdi*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Adamlar öz ygtyýaryny jandara beren aždarha sežde etdiler* diýip duş gelýär.
[ç] **13:10 *Tussag edilmeli*** – käbir golýazmalarda *Birini tussag eden.*
[d] **13:10 *Gylyçdan ölmeli*** – käbir golýazmalarda *birini gylyç bilen öldüren.*

### *Ýerden çykan jandar*

11 Şondan soň men ýerden çykyp gelýän
başga bir jandary gördüm. Onuň guzy-
nyňka meňzeş iki şahy bolsa-da, aždarha
ýaly gepleýärdi. 12 Ol birinji jandara hyz-
mat edip, onuň bütin ygtyýaryny amal
edýärdi, tutuş ýer ýüzüni we onuň ilatyny
ölüm howply ýarasy biten jandara sežde
etmäge mejbur edýärdi. 13 Bu ikinji jandar
uly alamatlary görkezýärdi, hatda ynsan-
laryň gözleriniň alnynda gökden ýere
ot hem ýagdyrýardy. 14 Bu jandar birinji
jandaryň adyndan alamatlar görkezip,
ýer ýüzüniň ilatyny aldawa salýardy. Ol
gylyç bilen ölüm howply ýara salnan-
dygyna garamazdan, direlen jandaryň
heýkelini ýasamagy ilata buýurdy. 15 Oňa
jandaryň heýkeline jan berme güýji be-
rildi. Jandaryň heýkeli gepläp başlady-da,
özüne sežde etmeýänleri öldürtdi. 16 Ikinji
jandar hemme ynsanlary: kiçileri we
ululary, baýlary we garyplary, azatlary
we gullary sag eline ýa-da maňlaýyna
tagma basdyrmaga mejbur etdi. 17 Ol jan-
daryň tagmasy bolmadyklara zat satyn
almaga ýa-da satmaga rugsat bermeýärdi.
Bu tagma jandaryň adyny ýa-da adynyň
sanyny aňladýandyr. 18 Bu ýerde danalyk
gerekdir. Düşbi adam, goý, bu jandaryň
sanyny hasaplap çykarsyn, çünki bu san
belli bir adamy aňladýandyr. Onuň sany-
da alty ýüz altmyş altydyr.

## 14-nji bap

### *Guzy we 144000 adam*

1 Soňra men Sion dagynda Guzynyň
duranyny gördüm. Onuň ýanynda bir
ýüz kyrk dört müň adam durdy. Olaryň
maňlaýynda Guzynyň we Onuň Ata-
synyň ady ýazylgydy. 2 Men gökden
ägirt uly ummanyň güwwüldisi ýaly,
güýçli gök gürrüldisiniň sesi ýaly bir
ses eşitdim. Bu ses arfaçylaryň çalýan
owazyna meňzeýärdi. 3 Ýaňky bir ýüz
kyrk dört müň adam tagtyň öňünde, dört
mahlugyň we ýaşulularyň öňünde täze
aýdym aýdýardylar. Tutuş adamzadyň
arasyndan azat edilen bu bir ýüz kyrk
dört müň adamdan başga hiç kim bu
aýdymy öwrenip bilmeýärdi. 4 Bular
ömürlerinde aýala ýanaşman, öz päkli-
gini saklanlardy. Bular Guzy nirä gitse,
Onuň yzyna eýerýänlerdi. Bular ynsan-
laryň arasyndan azat edilip, ilkinji hasyl
hökmünde Hudaýa we Guza bagyş edi-
lenlerdi. 5 Bularyň agyzlaryndan ýalan
söz çykan däldir, olar müýnsüzdirler[a].

### *Üç perişde*

6 Soňra men gökde uçup ýören bir
perişdäni gördüm. Ol ýer ýüzünde ýaşa-
ýanlara: her millete we tirä, her dile we
her halka yglan etjek bolup, ebedi Hoş
Habary getirýärdi. 7 Ol batly ses bilen
şeýle diýýärdi: «Hudaýdan gorkuň! Ony
beýgeldiň! Çünki Onuň kazylyk etjek
sagady geldi! Ýeri, gögi, deňzi, suw
gözbaşlaryny Ýaradana sežde ediň!»
8 Onuň yzyndan uçup gelýän ikin-
ji perişde şeýle diýýärdi: «Ýykyldy!
Beýik Babyl ýykyldy! Öz azgyn hy-
juwlarynyň şerabyny ähli milletlere
içirdi». 9 Olaryň yzyndan uçup gelen
üçünji bir perişde batly ses bilen şeýle
diýýärdi: «Kimde-kim jandara we onuň
heýkeline sežde etse, maňlaýyna ýa-da
eline onuň tagmasyny basdyrsa, 10 Hu-
daýyň gazap käsesinden içer. Bu käse

[a] **14:5** ***Olar müýnsüzdirler*** – käbir golýazmalarda *olar Hudaýyň tagtynyň öňünde müýnsüzdirler.*

Hudaýyň gazabynyň şerabyndan, hiç zat
garylmadyk sap şerapdan doludyr. Şeýle
adam mukaddes perişdeleriň we Gu-
zynyň öňünde ot, kükürt bilen gynalar.
11 Gynalmalarynyň tüssesi bolsa ebedi
tütär. Jandara we onuň heýkeline sežde
edenler ýa-da onuň adynyň tagmasyny
basdyran adamlar ne gije, ne-de gündiz
dynç alarlar». 12 Şoňa görä-de, Hudaýyň
buýruklaryny berjaý edip, Isa Mesihe sa-
dyk bolup galýanlar gaýratly bolmalydyr.
13 Onsoň gökden bir ses eşitdim. Ol şeýle
diýdi: «Muny ýaz: „Mundan beýläk Reb-
bimize iman edip ölenler bagtlydyr!“»
Ruh hem şeýle diýdi: «Hawa, olar çeken
zähmetlerinden dynç alarlar, çeken zäh-
metleriniň rähnetini görerler».

### *Ýeriň hasyly orulýar*

14 Onsoň görsem, ine, bir ak bulut bar.
Buludyň üstünde ynsan ogluna meňzeş
Biri otyrdy. Onuň başynda altyn täji,
elinde hem ötgür oragy bardy. 15 Yba-
dathanadan çykan başga bir perişde
buludyň üstünde Oturana batly ses bilen
şeýle diýdi: «Oragyňy işlet-de, or! Orak
wagty ýetip geldi, sebäbi ýeriň hasy-
ly ýetişdi». 16 Buludyň üstünde Oturan
oragyny ýer ýüzünde işletdi. Şeýdip,
ýeriň hem hasyly oruldy. 17 Gökdäki
ybadathanadan başga bir perişde çykdy.
Onuň hem ötgür oragy bardy. 18 Soňra
gurbanlyk sypasyndaky oda gözegçilik
edýän başga bir perişde sypadan çykyp,
ötgür orakla batly ses bilen şeýle diýdi:
«Sen-de ötgür oragyňy işlet. Ýerdäki
üzüm agajyndaky salkymlary ýyg, çünki
üzüm bişipdir». 19 Perişde oragyny ýe-
riň ýüzünde işletdi-de, ondaky üzüm
salkymlaryny ýygyp, Hudaýyň üzüm
sykýan uly gahar-gazap çukuryna taş-
lady. 20 Salkymlar şäheriň daşyndaky
çukurda sykyldy. Gan çukurdan çogup
çykdy-da, at uýanynyň derejesine galyp,
üç ýüz çakrym [a] aralyga ýaýrady.

## 15-nji bap

### *Ýedi perişde we ýedi bela*

1 Şondan soň men gökde ýene bir uly
we täsin alamat gördüm: gökde ýedi
perişde, hersiniň elinde bolsa bir bela
bardy. Bu belalar soňky belalar bolup,
olar Hudaýyň gazabyny soňlaýardylar.
2 Men ot bilen garyşyk, çüýşeden ýa-
salan deňiz ýaly bir zat gördüm. Onuň
üstünde jandary, onuň heýkelini [b], adyny
aňladýan sany ýeňenler durdy. Olaryň
ellerinde Hudaýyň beren arfalary bardy.
3 Olar Hudaýyň guly Musanyň we Gu-
zynyň aýdymyny aýdýardylar:

«Ýa Reb Hökmürowan Hudaý!
Seniň işleriň beýik, täsindir.
Eý, milletleriň Şasy [ç]!
Seniň ýollaryň dogry we hakdyr.
4 Ýa Reb, Senden gorkmajak barmy?
Adyňa şöhrat aýtmajak barmy?
Çünki mukaddes ýeke-täk
Sensiň!
Ähli milletler huzuryňa gelerler,
olar Saňa sežde ederler.
Çünki adalatly hökümleriň
aýan boldy».

5 Mundan soň gökdäki ybadathananyň,
ýagny äht çadyrynyň açylanyny gördüm.
6 Ybadathanadan ýedi belany getirýän
ýedi perişde çykdy. Olaryň egninde
tämiz, ap-ak zygyr lybaslar, billerinde

[a] **14:20** ***Üç ýüz çakrym*** – grekçe *1600 stadios*. Bu takm. 300 kilometre deňdir.
[b] **15:2** Käbir golýazmalarda *onuň tagmasyny* diýen sözler hem bar.
[ç] **15:3** ***Milletleriň Şasy*** – käbir golýazmalarda *Öz halkynyň Şasy*.

bolsa altyndan guşaklary bardy. [7]Dört
mahlugyň biri ýedi perişdä baky ýaşaýan
Hudaýyň gazabyndan doly ýedi altyn
käse berdi. [8]Ybadathana Hudaýyň şöh-
ratynyň, gudratynyň tüssesinden doldy.
Ýedi perişdäniň ýedi belasy tamamlan-
ýança, hiç kim ybadathana girip bilmedi.

### 16-njy bap

***Hudaýyň gazaby we ýedi käse***

[1]Şondan soň men ybadathanadan
ýedi perişdä: «Gidiň-de, Hudaýyň ga-
zabyndan doly ýedi käsäni ýeriň ýüzüne
döküň!» diýen batly sesi eşitdim. [2]Bi-
rinji perişde gidip, käsesini ýere dökdi.
Jandaryň tagmasy bolan we onuň heý-
keline sežde eden adamlarda erbet we
agyryly ýaralar peýda boldy. [3]Ikinji
perişde käsesini deňze dökdi. Deňiz
öliniň ganyna meňzeş gana öwrüldi-de,
ondaky janly-jandaryň ählisi gyryldy.
[4]Üçünji perişde käsesini derýalara, suw
gözbaşlaryna dökdi. Olar-da gana öw-
rüldi. [5]Men suwlara gözegçilik edýän
perişdäniň şeýle diýenini eşitdim: «Eý,
häzir bar we geçmişde bolan Mukad-
des Hudaý! Sen şu hökümi çykarmak
bilen adalatlydygyňy aýan etdiň. [6]Olar
halkyňyň we pygamberleriňiň ganyny
dökdi, Sen hem olara gan içirip, almy-
tyny berdiň!»

[7]Men gurbanlyk sypasyndan bir sesiň:
«Hawa, Reb Hökmürowan Hudaý, Se-
niň hökümleriň hakdyr, adyldyr» diýip
jogap berenini eşitdim.

[8]Dördünji perişde käsesini Gü-
ne dökdi. Güne ynsanlary ot bilen
ýakyp-köýdürmeklik güýji berildi.
[9]Güýçli howur ynsanlary ýakyp-köý-
dürdi. Ýöne olar toba gelmediler, Hudaýy
şöhratlandyrmadylar. Tersine, bu belalara
hökümini ýöredýän Hudaýa gargady-
lar. [10]Bäşinji perişde käsesini jandaryň
tagtyna dökdi. Jandaryň patyşalygy
tümlüge gaplandy. Ynsanlar çekýän
ejirlerinden ýaňa dillerini dişlediler.
[11]Olar etmişlerinden dänmediler, toba
gelmediler, tersine, ejirleri we ýaralary
üçin Gögüň Hudaýyna gargadylar. [12]Al-
tynjy perişde käsesini beýik Ýewfrat
derýasyna dökdi. Gündogardan gelýän
patyşalaryň ýolunyň açylmagy üçin,
derýanyň suwy gurady. [13]Onsoň aždar-
hanyň, jandaryň we galp pygamberiň
agyzlaryndan gurbaga meňzeş üç erbet
ruhuň çykanyny gördüm. [14]Bular alamat-
lar görkezip bilýän jynlaryň ruhlarydyr.
Bular Hökmürowan Hudaýyň beýik gü-
nünde boljak söweş üçin bütin dünýäniň
patyşalaryny üýşürmäge barýarlar.

[15]«Ine, Men bir ogry kimin gelýärin!
Oýa bolan bagtlydyr! Ýalaňaç gezmän,
uýatlaryny görkezmän, eşiklerini eg-
ninde saklan bagtlydyr!»

[16]Onsoň erbet ruhlar patyşalary ýew-
reýçe «Armageddon» diýilýän ýere
üýşürdiler. [17]Ýedinji perişde käsesini
howa serpip goýberdi. Ybadathanada-
ky[a] tagtdan: «Amala aşdy!» diýen batly
bir ses eşidildi. [18]Şondan soň ýyldy-
rymlar çakdy, gümmürdäp, gök gürledi,
güýçli ýertitreme boldy. Ynsanlar ýer
ýüzünde ýaşap başlany bäri şeýle güýçli
ýertitreme bolmandy. [19]Beýik şäher üç
bölek boldy. Milletleriň şäherleri weý-
ran boldy. Hudaý Babyl şäherini ýada
salyp, gahar-gazabyndan doly şeraply
käsesinden bu şähere içirdi. [20]Adala-
ryň ählisi ýitirim boldy, daglar gözden
gaýyp boldy. [21]Ynsanlaryň üstüne gök-
den hersiniň agramy bir batmana golaý

[a] **16:17** ***Ybadathanadaky*** – käbir golýazmalarda *gökdäki ybadathanadaky.*

güýçli doly ýagdy. Ynsanlar doly belasy
üçin Hudaýa gargadylar, sebäbi bu bela
diýseň aýylgançdy.

### 17-nji bap

### *Aýal we jandar*

1 Eli käseli ýedi perişdäniň biri gelip,
maňa şeýle diýdi:
«Gel, men saňa köp suwlaryň üstünden
hökmürowanlyk ýöredýän uly lolynyň
jezasyny görkezeýin. 2 Dünýäniň patyşa-
lary onuň bilen zyna etdiler, ýeriň ilaty
onuň zynahorlyk şerabyndan içip-içip
serhoş boldy». 3 Onsoň perişde meni
Mukaddes Ruh arkaly çöle äkitdi. Men
ol ýerde gyp-gyzyl jandaryň üstünde
oturan bir aýaly gördüm. Bu jandaryň
tutuş endamy Hudaýa dil ýetirýän at-
lardan doludy, onuň ýedi kellesi, on
şahy bardy. 4 Aýal bolsa goýy gyrmyzy
we al-gyzyl lybaslara beslenip, altyn,
gymmatbaha daşlar we dürler bilen be-
zenipdi. Onuň elinde ýigrenji zatlardan
we zynahorlygynyň nejisliginden doly
altyn şakäse bardy. 5 Bu aýalyň maňla-
ýynda «Beýik Babyl, dünýä lolularynyň
we nejislikleriniň enesi» diýen syrly at
ýazylgydy. 6 Onsoň aýalyň Hudaýyň
halkynyň we Isanyň şaýatlarynyň gany-
ny içip, serhoş bolanyny gördüm. Muny
görüp, gaty geň galdym. 7 Perişde ma-
ňa şeýle diýdi: «Näme geň galýarsyň?
Aýalyň, onuň atlanyp barýan ýedi başly
we on şahly jandarynyň syryny men
saňa aýdaýyn. 8 Seniň gören jandaryň
birwagtlar bardy, ýöne indi ýok. Emma
soňra ol heläk bolmazyndan öň ölüler
dünýäsinden çykar. Ýer ýüzüniň ilaty,
ýagny dünýä ýaradylany bäri atlary ýaşa-
ýyş kitabyna ýazylmadyklar bu jandary
görenlerinde haýran galarlar, sebäbi ol
birwagtlar bardy, indi ýok, ýöne ýene
geler. 9 Bulara düşünmek üçin paýhas we
danalyk gerek. Ýedi kelle – bu aýalyň
oturan ýedi dagyny we ýedi patyşany
aňladýar. 10 Olaryň bäşisi heläk boldy,
biri şalyk sürýär, ýene-de biri heniz
gelenok. Ýöne ol gelende, uzak şalyk
sürmez. 11 Birwagtlar bar bolup, indi
ýok jandar bolsa sekizinjidir. Şol bir
wagtyň özünde-de ol ýedileriň biri bo-
lup, heläk bolmaga barýandyr. 12 Seniň
gören on şahyň bolsa heniz patyşalyga
ýetmedik on patyşadyr. Ýöne olar jandar
bilen bile bir sagat patyşalyk etmäge
ygtyýar alarlar. 13 Bu on patyşanyň mak-
sady bir bolup, olar öz güýçlerini we
ygtyýarlaryny jandara bererler. 14 Olar
Guzy bilen söweşerler, ýöne Guzy olary
ýeňer. Çünki Guzy şalaryň Şasy, taň-
rylaryň Taňrysydyr. Onuň çagyranlary,
saýlanlary we sadyklary Onuň bilen bo-
larlar». 15 Perişde maňa ýene şeýle diýdi:
«Lolynyň hökmürowanlyk sürýän köp
suwlary her milletden, her halkdan, her
dilden bolan ägirt mähelläni aňladýan-
dyr. 16 Seniň gören on şahyň we jandar
bu aýaly ýigrenerler. Olar ony tozduryp,
ýalaňaçlarlar; onuň etini iýip, ony otlar-
lar. 17 Çünki Hudaý Öz maksadyny amala
aşyrmak islegini olaryň ýüregine guýdy.
Şunlukda, olar Hudaýyň sözleri berjaý
bolýança, özleriniň hökmürowanlyk yg-
tyýaryny jandara bermäge biragyzdan
razy bolarlar. 18 Gören aýalyň bolsa ýer
ýüzüniň patyşalaryna hökmürowanlyk
edýän beýik şäherdir!»

### 18-nji bap

### *Babyl weýran edilýär*

1 Mundan soň men gökden inip gelýän
başga bir perişdäni gördüm. Onuň uly
ygtyýary bolup, şöhraty bütin dünýä nur
saçdy. 2 Perişde batly gygyryp, şeýle diýdi:

«Ýykyldy! Beýik Babyl ýykyldy! Ol jynla-
ryň mesgenine öwrüldi, ähli arwahlaryň
sürenine öwrüldi, dürli haram we nejis
guşlaryň penasyna öwrüldi. 3Çünki äh-
li milletler onuň azgyn hyjuwlarynyň
şerabyny içdiler. Dünýäniň şalary onuň
bilen zyna etdiler, täjirleri onuň göçgünli
aýşy-eşretinden baýadylar». 4Onsoň men
gökden başga bir ses eşitdim. Ol şeýle
diýýärdi: «Eý, halkym! Onuň günälerine
şärik bolmaz ýaly, onuň belalaryna uç-
ramaz ýaly, ol ýerden çyk. 5Çünki onuň
günäleri beýgelip göge ýetdi, Hudaý onuň
jenaýatlaryny ýatlady. 6Ol size näme
eden bolsa, siz hem oňa şony ediň. Onuň
edenlerini iki esse edip gaýtaryň! Oňa
iki esse güýçli garylan şerapdan içiriň!
7Ol näçe şöhratlanyp, aýşy-eşret çeken
bolsa, şonça-da jebir, gam-gussa beriň
oňa! Çünki ol öz ýüreginde şeýle diýýär:
„Men melike kimin otyryn, dul däldirin,
asla ýas tutmaryn“. 8Şoňa görä, bir gü-
nüň içinde ölüm, ýas, açlyk belasy başyna
iner, ony ot ýakyp köýdürer. Çünki ony
höküm eden Hudaý güýçlüdir! 9Onuň bi-
len zyna eden, aýşy--eşretine şärik bolan
dünýäniň patyşalary onuň ýangynynyň
tüssesini görenlerinde, ýas tutup, ag-
larlar. 10Olar onuň çekýän jebirlerinden
hopugyp, uzakda duran ýerlerinden şeýle
diýerler: „Eý, beýik şäher, halyňa waý! Eý,
kuwwatlylyk şäheri Babyl, halyňa waý!
Sen bir sagadyň içinde jezaňy aldyň!“

11Dünýä täjirleri onuň üçin ýas tutup,
aglarlar, sebäbi indi olaryň harytlary-
ny satyn aljak ýok. 12Altyny, kümşi,
gymmatbaha daşlary, dürleri, nepis zy-
gyr matalary, gyrmyzy reňkli gymmat
matalary, ýüpegi we al-gyzyl matala-
ry, hoşboý ysly agajy, pil süňkünden,
gymmatbaha agaçlardan, bürünçden,
demirden we mermerden ýasalan
dürli harytlary, 13dalçyn, we beýleki
tagamlyklary, ýakymly ysly tütetgileri,
müşk-anbarlary, şeraby, zeýtun ýagyny,
kepeksiz uny we bugdaýy, sygyrdyr go-
ýunlary, atlardyr arabalary, adamlaryň
janyny we tenini satyn aljak indi ýok.
14Täjirler şeýle diýerler: „Göwnüň küý-
sän miweleri ýitip gitdi. Baýlygyň we göz
gamaşdyryjy ajaýyplygyň gaýyp boldy,
olar indi asla dolanmaz“. 15Babylda öz
harytlaryny satyp baýan täjirler şäheriň
jebirlerinden hopugarlar. Uzakda duran
ýerlerinden ýas tutup, aglarlar. 16Olar
möňňürişip, şeýle diýerler: „Waý, be-
ýik şäheriň halyna waý! Ol nepis zygyr,
goýy gyrmyzy we al-gyzyl geýnerdi, al-
tyn, gymmatbaha daşlar we dürler bilen
bezenerdi. 17Şeýle ägirt uly baýlyk bir
sagadyň içinde weýran boldy!“

Hemme gämiçiler, deňiz ýolagçylary
we ähli deňizçiler – deňizden eklen-
ýänleriň bary uzakda durup, 18şäheriň
ýangynynyň tüssesini görenlerinde: „Bu
şähere taý geljek şäher barmydy?“ di-
ýerler. 19Olar başlaryndan gum sowrup,
aglarlar, ýas tutup, ses edip möňňürerler:
„Waý, halyňa waý, beýik şäher! Deňizde
gämileri bolanlaryň bary bu şäheriň
baýlygy arkaly baýapdy. Indi bolsa ol
bir sagatda weýran edildi!“

20Eý, gökler, şatlanyň! Eý, Hudaýyň
halky, resullar we pygamberler, şatlanyň!
Babylyň size edenleri üçin Hudaý ony
jezalandyrdy».

21Soňra bir güýçli perişde äpet degir-
men daşy ýaly daşy galdyryp, ony deňze
zyňyp, şeýle diýdi: «Beýik Babyl şäheri,
ine, şeýle güýç bilen zyňlar! Ol indi asla
tapylmaz! 22Arfaçylaryň we aýdymçy-
laryň, tüýdükçileriň we surnaýçylaryň
owazy indi sende ýaňlanmaz. Indi senden
senetçiler-de, senet-de tapylmaz. Indi
senden degirmeniň sesi asla eşidilmez.
23Çyralaryňyň yşygy indi ýagty saçmaz,

öýlenýän ýigitdir gelniň sesi indi senden
eşidilmez. Seniň täjirleriň dünýäniň beýik
adamlarydy, seniň jadygöýligiň ähli mil-
letleri ýoldan çykardy. 24 Pygamberleriň
we Hudaýyň halkynyň – dünýäde öldü-
rilenleriň ählisiniň gany sende tapyldy».

## 19-njy bap

### *Hudaýa şöhrat!*

1 Soňra men gökde uly mähelläniň se-
sine meňzeş batly sesler eşitdim. Olar:
«Hudaýa şan-şöhrat bolsun! Hudaý biziň
Halasgärimizdir, şöhrat we gudrat Onuň-
kydyr. 2 Çünki Onuň hökümleri dogry,
adyldyr: zynasy bilen dünýäni azdyran
uly lolyny Ol höküm etdi, gullaryny öl-
düren loludan olaryň aryny aldy».
3 Mähelle ýene-de şeýle diýdi: «Hu-
daýa şan-şöhrat bolsun! Hawa, lolynyň
tüssesi ebedi tütär!»
4 Ýigrimi dört ýaşuly, dört mahluk ýü-
zin düşüp: «Omyn! Hudaýa şan-şöhrat
bolsun!» diýip, tagtda oturan Hudaýa
sežde etdiler. 5 Onsoň tagtdan çykan bir
ses şeýle diýdi: «Eý, Hudaýymyzyň ähli
gullary, Ondan gorkýanlaryň uly-kiçi –
ählisi, Oňa alkyş aýdyň!»
6 Soňra men bir uly mähelläniň sesi-
ne, ägirt uly ummanyň güwwüldisine,
güýçli gök gürrüldisine meňzeş sesler
eşitdim. Olar şeýle diýýärdiler:

«Hudaýa şan-şöhrat bolsun!
Çünki Rebbimiz Hökmürowan
Hudaý
hökmürowanlyk sürüp başlady!
7 Geliň, begeneliň hem şatlanalyň!
Ony şöhratlandyralyň!
Çünki Guzynyň toýy başlanýar,
Onuň gelinligi hem taýýar
bolup dur:
8 Oňa beslenmäge nepis, parlak,
päk zygyrdan lybas berildi».

Bu lybas Hudaýyň halkynyň dogry
işleridir. 9 Onsoň perişde maňa şeýle diý-
di: «Şulary ýaz: Guzynyň nika toýuna
çagyrylanlar bagtlydyr!» Ol sözüni do-
wam edip: «Ine, bular Hudaýyň hakyky
sözleridir» diýdi. 10 Men perişdä sežde
etmek üçin, onuň aýaklaryna ýykyl-
dym. Emma ol maňa şeýle diýdi: «Ýok,
maňa sežde etme! Men hem sen we Isa
barada şaýatlyk edýän doganlaryň ýaly
Hudaýyň bir guludyryn. Diňe Hudaýa
sežde et! Isa barada şaýatlyk edýänler
pygamberlik ruhuna eýe bolýandyrlar».

### *Ak atly*

11 Soňra men açylan gögi we ol ýerde
duran bir ak aty gördüm. Aty münüp
oturan Sadyk we Hakykat diýip atlan-
dyrylýardy. Ol adyl höküm çykarýandyr
we adalatly söweşýändir. 12 Onuň gözleri
ot ýaly ýanýardy, başynda hem birtopar
täji bardy. Onuň maňlaýyna Onuň ady
ýazylgydy, ýöne bu ady Özünden başga
hiç kim bilýän däldir. 13 Onuň egnin-
däki dony gana boýalandy. Bu ak atly
«Hudaýyň Sözi» diýlip atlandyrylýardy.
14 Nepis, ap-ak we tämiz zygyra beslenen
gökdäki goşun ak atlara atlanyp, Onuň
yzyndan gelýärdi. 15 Milletleri urmak
üçin, Onuň agzyndan kesgir bir gylyç
çykyp durdy. Ol olary demir hasasy
bilen dolandyrar. Ol şerap sykylýan çu-
kurda Hökmürowan Hudaýyň gazaply
gaharynyň şerabyny sykýar. 16 Onuň do-
nunda we budunda «ŞALARYŇ ŞASY,
TAŇRYLARYŇ TAŇRYSY» diýen at
ýazylgydy. 17 Onsoň men Günüň üs-
tünde duran bir perişdäni gördüm. Ol
gökde uçup ýören guşlaryň ählisine

**19:15** Zeb 2:8-9.

batly sesi bilen gygyryp, şeýle diýdi:
«Geliň, Hudaýyň uly meýlisine geliň!
18 Patyşalaryň, müňbaşylaryň, güýçli
söweşijileriň läşini, atlaryň we atlyla-
ryň läşini, erkinleriň we gullaryň läşini,
kiçileriň we ululary ň läşini iýmäge top-
lanyň!» 19 Onsoň men jandary, dünýä
patyşalaryny we olaryň goşunlaryny
gördüm. Olar ata atlanyp Oturan we
Onuň goşunlary bilen söweşmek üçin
üýşüpdirler. 20 Emma jandar we onuň
bilen bile galp pygamber ýesir alyndy.
Bu galp pygamber jandaryň adyndan
alamatlar görkezerdi, jandaryň tagma-
syny özüne basdyryp, onuň heýkeline
sežde edenleri aldardy. Jandar-da, galp
pygamber-de diriligine ýanyp duran kü-
kürtli köle zyňyldy. 21 Galanlary bolsa
ata atlanyp Oturanyň agzyndan çykan
gylyç bilen öldürildiler. Guşlaryň hem-
mesi bularyň läşinden doýdy.

## 20-nji bap

### *Müň ýyl*

1 Soňra men gökden inip gelýän
bir perişdäni gördüm. Onuň elinde
dowzahyň açary bilen uly bir zynjyr
bardy. 2 Perişde aždarhany, ýagny ib-
lis ýa-da şeýtan diýip atlandyrylýan
gadymy ýylany tutdy-da, ony müň
ýyl möhlet bilen zynjyrlady. 3 Perişde
ony dowzaha taşlady-da, gulplap, üs-
tünden möhürledi. Ol muny müň ýyl
dolýança, aždarha gaýdyp milletleri
aldamasyn diýip etdi. Müň ýyldan
soň ol az wagtlyk boşadylmalydyr.
4 Onsoň men tagtlary, olaryň üstün-
de oturanlary gördüm. Olara kazylyk
etmeklik ygtyýary berildi. Mundan
başga-da, men Isa we Hudaýyň Hoş
Habary hakda şaýatlyk edenleri üçin
başlary kesilenleriň janlaryny gördüm.
Olar jandara we onuň butuna sežde
etmändiler, maňlaýyna ýa-da elleri-
ne onuň tagmasyny basdyrmandylar.
Olar direlip, Mesih bilen müň ýyl
şalyk sürdüler. 5 Bu ilkinji direlişdir.
Beýleki ölüler bolsa müň ýyl geçýän-
çä direlmedi. 6 Ilkinji direlişde paýy
bolan bagtly we mukaddesdir! Ikin-
ji ölüm olara öz hökümini ýöredip
bilmez. Olar Hudaýyň we Mesihiň
ruhanylary bolup, Onuň bilen müň
ýyl şalyk sürerler.

### *Şeýtan höküm edilýär*

7 Müň ýyl dolandan soň, şeýtan tus-
sagdan boşadylar. 8 Ol çykyp, ýeriň
dört künjegindäki halklary, ýagny gog-
-magoglary aldap, olary söweşe toplar.
Toplananlaryň sany deňiz kenaryndaky
çäge kimindir. 9 Olar ýer ýüzüni gurşap
aldylar, Hudaýyň halkynyň düşelgesini,
Onuň söýgüli şäherini gabadylar. Em-
ma gökden inen ot olary ýakyp kül etdi.
10 Olary aldan iblis bolsa ýanyp duran
kükürtli köle zyňyldy. Jandar bilen galp
pygamber hem şol ýerdedir. Olar gije-
-gündiz ebedilik ejir çekerler.

### *Ölülere kazylyk edilýär*

11 Soňra men uly ak tagt we onuň üs-
tünde Oturany gördüm. Ýer, gök Onuň
huzuryndan ýitip gitdi, olary soňra ta-
pyp-da bolmady. 12 Men tagtyň öňünde
duran uludyr kiçi ölüleri gördüm. Ki-
taplar açyldy. Ýaşaýyş kitaby atly ýene
bir kitap açyldy. Kitaplarda ýazylanlara
seredilip, ölülere eden işlerine görä ka-
zylyk edildi. 13 Deňiz özündäki ölüleri
berdi. Ölüm we ölüler dünýäsi-de özün-
däki ölüleri berdi. Olaryň her birine eden
işlerine görä kazylyk edildi. 14 Onsoň
ölüm we ölüler dünýäsi ýanyp duran köle
zyňyldy. Ine, bu otly köl ikinji ölümdir.

15 Atlary ýaşaýyş kitabyna ýazylmadyk-
laryň ählisi ýanyp duran köle zyňyldy.

## 21-nji bap

### *Täze Iýerusalim*

1 Onsoň men bir täze gök bilen bir täze
ýer gördüm. Çünki öňki gök we ýer aýry-
lypdy. Indi hiç bir deňiz hem ýokdy. 2 Men
Mukaddes Şäheri – täze Iýerusalimi gör-
düm. Ol gökden, Hudaýyň huzuryndan
inip gelýärdi. Täze Iýerusalim öýlenýän
ýigit üçin bezenip-beslenip gelýän gel-
ne meňzeýärdi. 3 Men tagtdan [a] batly bir
sesiň şeýle diýenini eşitdim: «Hudaýyň
mesgeni indi ynsanlaryň arasyndadyr! Ol
indi ynsanlaryň arasynda mesgen tutar.
Olar Onuň halky bolarlar, Ol hem olar
bilen bolup, olaryň Hudaýy bolar. 4 Ol Öz
halkynyň gözleriniň her bir gözýaşyny
süpürer. Indi ne ölüm, ne-de ýas, ne agy,
ne-de agyry bolar. Çünki öňki zatlar
geçip gitdi». 5 Tagtda Oturan: «Ine, ähli
zady täzeleýärin» diýdi. Soňra maňa:
«Bulary ýaz, sebäbi bu sözler ygtybarly
we çyndyr» diýdi. 6 Ol maňa ýene-de
şeýle diýdi: «Amala aşdy. Alfa we Ome-
ga [b], Başlangyç we Soň Mendirin. Men
suwsana ýaşaýyş suwunyň gözbaşyndan
mugt içirerin. 7 Ýeňen, ine, bularyň bary-
ny miras alar. Men onuň Hudaýy bolaryn,
ol hem Meniň perzendim bolar. 8 Emma
gorkagyň, imansyzyň, kezzabyň, ganho-
ryň, zynahoryň, jadygöýüň, butparazyň
we hemme ýalançylaryň – ählisiniň pa-
ýyna ýanýan kükürtli ot köli düşer. Ikinji
ölüm, ine, budur».
9 Soňra soňky ýedi bela bilen doldury-
lan ýedi käseli ýedi perişdäniň biri meniň
ýanyma gelip: «Gel, men saňa gelni,
Guza aýal boljagy görkezeýin» diýdi.
10 Perişde meni Mukaddes Ruh arkaly
bir uly, beýik daga çykardy. Ol ýerden
maňa gökden, Hudaýyň huzuryndan inip
gelýän mukaddes şäheri – Iýerusalimi
görkezdi [ç]. 11 Ol Hudaýyň şan-şöhra-
tyndan dolup, bir juda gymmatbaha daş
ýaly, buldurap duran ýaşma daşy ýaly
parlaýardy. 12 Şäheriň uly we belent di-
warlary, on iki derwezesi bardy. Her
derwezäniň agzynda bir perişde bardy.
Derwezelere ysraýyl halkynyň on iki
tiresiniň ady ýazylgydy. 13 Gündogarda
üç derweze, demirgazykda üç derweze,
günortada üç derweze, günbatarda üç
derweze bardy. 14 Şäheriň diwary on iki
binýadyň üstünde bina edilipdi, olara
Guzynyň on iki resulynyň ady ýazyl-
gydy. 15 Meniň bilen gepleşen perişdäniň
elinde şäheri, onuň derwezelerini we
diwaryny ölçär ýaly altyndan ölçeg taýa-
gy bardy. 16 Şäher dörtburçluk şekilinde
bolup, onuň boýy bilen ini deňdi. Perişde
şäheri ölçedi. Şäheriň boýy iki müň iki
ýüz çakrym [d] bolup çykdy. Onuň ini,
beýikligi hem boýy ýalydy. 17 Perişde
şäheriň diwaryny-da ölçedi. Diwaryň
beýikligi [e] ýüz kyrk dört tirsek çykdy.

---

[a] **21:3** ***Tagtdan*** – käbir golýazmalarda *gökden.*
[b] **21:6** ***Alfa we Omega*** – Alfa grek elipbiýiniň birinji, Omega bolsa iň soňky harpy.
[ç] **21:10** ***Mukaddes şäheri – Iýerusalimi görkezdi*** – bu jümle käbir golýazmalarda *beýik şäheri, mukaddes Iýerusalimi görkezdi* diýip duş gelýär.
[d] **21:16** ***Iki müň iki ýüz çakrym*** – grekçe *12000 stadios.* Bu takm. 2200 kilometre deňdir.
[e] **21:17** ***Beýikligi*** – ýa-da *galyňlygy.*

**21:3** Ezk 37:27; Lew 26:11-12.

Perişde bulary ölçände, ynsanlaryň ulan-
ýan ölçegini ulandy. 18 Diwar ýaşma
daşyndan gurlupdy. Şäheriň özi bolsa
tegmiltsiz aýna ýaly sap altyndan bina
edilipdi. 19 Şäher diwarynyň binýatlary
her dürli gymmatbaha daşlar bilen beze-
lendi. Birinji binýady ýaşma daşy bilen
bezelendi, ikinjisi goýy reňkli pöwrize
daşy, üçünjisi hakyk, dördünjisi zü-
merret, 20 bäşinjisi sardoniks, altynjysy
gyrmyzy sardoniks, ýedinjisi altyn-sary
daş, sekizinjisi gök zümerret, dokuzyn-
jysy goýy sary daş, onunjysy pöwrize, on
birinjisi mämişi reňkli daş, on ikinjisi
benewşe reňkli gymmatbaha daşlary
bilen bezelendi. 21 On iki derweze on
iki dürden, ýagny her derweze bütewi
bir dürden ýasalandy. Şäheriň şaýoly
sap altyndan bolup, aýna ýaly ýalpyl-
daýardy. 22 Men bu şäherde ybadathana
görmedim. Çünki Hökmürowan Reb
Hudaý we Guzy şäheriň ybadathanasy-
dyr. 23 Şäheri ýagtylandyrmak üçin Gün
ýa-da Aý gerek däl. Çünki şäheri Huda-
ýyň şöhraty ýagtylandyrýar, Guzy hem
onuň çyrasydyr. 24 Halklar bu şäheriň
nurunda gezerler. Dünýäniň şalary oňa
öz şan-şöhratyny getirerler. 25 Şäheriň
derwezeleri uzakly gün açyk bolar, olar
gulplanmaz, sebäbi ol ýerde gije bolmaz.
26 Milletler bu şähere öz şan-şöhratlaryny
getirip, Hudaýa we Guza hormat bildi-
rerler. 27 Bu şähere hiç bir murdar zat,
nejislik edýänleriň, ýalan sözleýänleriň
hiç biri girmez. Oňa diňe Guzynyň ýa-
şaýyş kitabyna atlary ýazylanlar girerler.

## 22-nji bap

### *Ýaşaýyş suwy*

1 Soňra perişde maňa aýna ýaly ýal-
pyldaýan deryýany görkezdi. Bu derýada
ýaşaýyş suwy akýardy. Ol Hudaýyň we
Guzynyň tagtyndan çykyp gaýdýardy.
2 Şäheriň şaýolunyň ortasynda, derýanyň
her kenarynda ýaşaýyş daragty ösüp
otyrdy. Bu daragtlar her aýda miwe be-
rip, ýylda on iki gezek hasyl getirýärdi.
Daragtlaryň ýapraklary milletlere şypa
berýärdi. 3 Bu şäherde indi asla nälet
bolmaz. Hudaýyň we Guzynyň tagty
bu şäherde bolar. Hudaýyň bendeleri
Oňa hyzmat ederler. 4 Olar Hudaýyň
ýüzüni görerler, maňlaýlarynda Onuň
ady bolar. 5 Şäherde gije asla bolmaz. Ne
çyranyň yşygy, ne-de günüň nury gerek
bolar, sebäbi Reb Hudaý olara nur saçar.
Olar ebedilik şalyk sürerler.

### *Isa Mesih gelýär*

6 Perişde maňa şeýle diýdi: «Bu sözler
ygtybarly we çyndyr! Pygamberlerini
ylhamlandyrýan Reb Hudaý tiz wagtda
boljak wakalary Öz bendelerine görkez-
mek üçin perişdesini ýollady». 7 «Ine, Men
tizara bararyn! Bu kitabyň pygamberlik
sözlerini ýüreginde saklaýan bagtlydyr!»
8 Men Ýohanna bulary gördüm we eşit-
dim. Bulary eşidenimden we görenimden
soň, bu wakalary maňa görkezen perişdä
sežde etmekçi bolup, onuň aýaklaryna
ýykyldym. 9 Emma perişde maňa şeýle
diýdi: «Ýok, maňa sežde etme! Men hem
sen ýaly, pygamber doganlaryň we bu
kitabyň pygamberlik sözlerini ýüreginde
saklaýanlar ýaly Hudaýyň bir guludyryn.
Diňe Hudaýa sežde et!» 10 Onsoň ol maňa
şeýle diýdi: «Bu kitabyň pygamberlik söz-
lerini gizlin saklama! Çünki olaryň berjaý
bolmaly wagty golaýdyr. 11 Goý, ýamanlyk
edýän ýene ýamanlyk etsin, pislik edýän
ýene pislik etsin. Dogry iş edýän ýene
dogrulyk etsin, mukaddes öz mukaddes-
ligini saklasyn».
12 «Ine, Men tizara bararyn! Her kese
eden işlerine görä berjek sylaglarym

ýanymdadyr! 13 Alfa we Omega, Ilkinji
we Ahyrky, Başlangyç we Soň Mendirin».
14 Öz lybaslaryny ýuwýanlar bagt-
lydyr! [a] Olaryň ýaşaýyş daragtynyň
miwesinden iýmäge, şäher derwezesin-
den girmäge haklary bardyr. 15 Emma
«itler», ýagny jadygöýler, zynahorlar,
ganhorlar, butparazlar, ýalany söýüp,
ony amal edýänler – bularyň bary şä-
heriň daşynda galar. 16 «Men, Isa Mesih,
bu pygamberligi imanlylar ýygnagyna
ýetirmek üçin Öz perişdämi size ýolla-
dym. Men Dawudyň köküinden, ýagny
onuň neslinden bolan parlak daň ýyldy-
zydyryn!» 17 Mukaddes Ruh we Gelinlik
«Gel!» diýýärler. Eşidýän her kes hem
«Gel!» diýsin. Suwsan gelsin. Kim öz
teşneligini gandyrmak islese, goý, ýaşa-
ýyş suwundan mugt içsin! 18 Bu kitabyň
pygamberlik sözlerini eşidýän her kese
duýduryaryn: kimde-kim bu sözlere
bir zat goşsa, Hudaý hem onuň jezasy-
na bu kitapda agzalan belalary goşar.
19 Kimde-kim bu kitabyň pygamberlik
sözlerinden bir zady aýyrsa, Hudaý hem
bu kitapda agzalýan ýaşaýyş daragtynyň
miwesinden iýmek we mukaddes şäher-
de ýaşamak hukugyndan ony mahrum
eder. 20 Bu wakalaryň Şaýady: «Hawa,
Men tiz bararyn!» diýýär. Omyn! Ýa
Rebbimiz Isa, gel! 21 Goý, Rebbimiz
Isanyň merhemeti ähliňize ýar bolsun! [b]

[a] **22:14** ***Öz lybaslaryny ýuwýanlar bagtlydyr!*** – bu jümle käbir golýazmalarda *Onuň buýruklaryny berjaý edýänler bagtlydyr!* diýip duş gelýär.
[b] **22:21** Käbir golýazmalarda *Omyn* diýen söz hem bar.

# Sözlük

### A

**Adalatly** – Hudaý hemişe adalatly. Ol elmydama dogry iş edýär we hemişe oňat kararlary çykarýar. Mukaddes Kitaba laýyklykda, Hudaý her bir adama, uly bolsun, kiçi bolsun, baý ýa-da garyp, parhy ýok – hemmelere adalatly garamaklygy ündeýär. Ol Öz halkyna şeýle diýýär:

«Ýagşylyk etmegi öwreniň,
adalaty agtaryň,
ezýet çekýäni halas ediň,
ýetimi goraň,
dul hatyna arka duruň» (Işa 1:17).

Kazylaryň, ýurt baştutanlarynyň, dini ýolbaşçylaryň halkyň üstünden höküm sürýändikleri üçin, Hudaý olardan adalatly kararlary çykarmagy talap edýär we adalatsyz hereketler eden ýagdaýynda, olary ýowuzlyk bilen höküm edýär.

Seret: Dogry.

**Adam ata** – Hudaý tarapyndan ýaradylan ilkinji ynsan. Onuň aýaly How ene bolupdyr. Olar ähli ynsanlaryň ata-enesi bolupdyr. Adam atanyň ady ýewreýçe «ynsan» diýmegi aňladýar.
Gçk 2-3.

**Agta** – taryhyň käbir döwürlerinde dürli milletlerde agtalar hökümdarlaryň ýolbaşçylygy astynda ýokary wezipäni eýeläpdirler. Hudaýyň gadagan edýändigi üçin, olary biçmeklik ýewreýleriň däp-dessurynda bolmandyr.
Est 2:3; Res 8:27.

**Agyz beklemek** – agyz beklemegiň maksady Hudaýyň huzurynda özüňi pespäl tutmak ýa-da käbir pajygaly ýagdaýda ýas tutmak, gam-gussa döwri Hudaýy çagyrmak bolupdyr. Dogry durmuşda ýaşamazdan, garyplara we ejizlere adalatly garamazdan, agyz beklemekligiň hiç hili peýdasynyň ýokdugyny we munuň Hudaýyň göwnünden turmaýandygyny pygamberler halka ýatladypdyrlar.
Ser 20:26; Işa 58:3-5; Ýow 1:14; Ýun 3:5; Est 4:16.

**Ahalot** – Hindistanda ösýän we özeni hoşboý ysly agaç. Onuň özenini geýimlere ýa-da otaga hoşboý ys bermek üçin ulanypdyrlar.
Zeb 44:9; Sül 7:17; Ngm 4:14.

**Aždarha** – gadymy ýewreý düşünjesinde deňiz aždarhasy başagaýlygy aňladyp, älem-jahanyň ýaradylyşynyň irki döwürlerinde peýda bolupdyr. Käte aždarha Rahap diýlip atlandyrylypdyr (Eýp 9:3; 26:12; Işa 51:9), käte bolsa Liwýatan (Eýp 3:8; 41:1; Zeb 73:14; Işa 27:1). Şeýle hem bu milletler üçin bir nyşan, ýagny Ysraýylyň duşmany bolupdyr (Zeb 86:4). Ikinji pikir Täze Ähtde Aýanlyk kitabynda gabat gelýär, Isa Mesihe ynanýanlara garşy uruşda aždarha erbet güýçleriň nyşanydyr.

**Akmak** – paýhas edebiýatynda: Zeburyň käbir mezmurlarynda, Süleýmanyň

pähimlerinde, Wagyzda, Eýýupda «akmak» diňe bir akylsyz adam däl-de, eýsem, akyl-paýhasy ret edýän adamdyr. Şonuň üçin hem ol ölüm we weýrançylyk ýolundan barýan adamdyr. Beýle adam Hudaý barada we Hudaýyň islegi barada pikir etmeýän, alada etmeýän, tekepbir, gedem, biparh adam. Ol hatda dine we paýhasly öwüt-ündewe garşy çykyp, bular barada ýaman zatlary gepläp bilýär. Paýhas edebiýatynda beýan edilen häsiýetlerden başga-da akmak adam özüniň nejis gylyk-häsiýeti bilen tanalypdyr. Işaýa pygamberiň kitabynda akmak adam barada şeýle diýilýär: «Akmak biedeplik bilen gepleýär, onuň niýeti pislik etmekdir, işi ýamanlyk etmek, Rebbe dil ýetirmek, açlary aç, suwsuzlary suwsuz goýmakdyr» (Işa 32:6).
Zeb 52:1; Sül 17:17-21

Seret: Nadan.

**Alamot** – manysy belli däl. Belki äheň, belki-de saz guraly bolmagy ähtimal.
1ÝÝ 15:21.

**Aloe** – Täze Äht döwründe aloe ölen adamyň jesedini jaýlamaga taýýarlamakda ulanylypdyr.
Ýoh 19:39.

**Amalekler** – Ysraýyl halky Kengan ýurduny eýelemezden öň, onuň golaýynda ýaşan halk. Olar, esasan, Duz deňziniň günorta-gündogarynda, ýagny Negepde ýaşan çarwa halk bolupdyr.
Msr 17:8-16; Kan 25:17-19; 1Şam 15:2, 30:1-5; 1ÝÝ 4:43.

**Ammonlar** – Lutuň ogly Benamynyň nesilleri. Ammonlar Iordan derýasynyň gündogarynda ýaşapdyrlar. Olar Molek hudaýyna sežde edipdirler.
Gçk 19:30-38; Kan 23:3.

Seret: Lut.

**Amorlar** – Ysraýyl halky Kengan ýurduny eýelemezden öň, ol ýerde ýaşan halklaryň biri. Olar özleriniň äpet uzyn boýlary bilen tanalypdyr. Mesopotamiýanyň tutuş töwereginde özüniň şäherleri we hanlary bilen amorlar örän güýçli halk bolupdyr. Ysraýyllar Kengana çozan wagtynda, olar, esasan hem, Iordan derýasynyň gündogarynda we Iordanyň günbatar daglarynda ýaşan Og hem Sihon atly iki hanyň hanlygyndaky güýje daýanypdyrlar.
Gçk 10:16; 15:16; Çöl 13:29; 21:13-34; Amo 2:10.

Seret: Kenganlar.

**Anaklar** – Ysraýyl halky eýelemezden öň, Kengan ýurdunyň golaýynda ýaşan halklaryň biri. Olar Hebron galasynda we onuň daş-töwereginde ýaşapdyrlar. Anaklar üç urugdan ybarat bolup, olar Nefilleriň nesilleri bolupdyrlar.
Kan 9:2; Ýeş 11:21,22.

Seret: Nefiller.

**Araba düzlügi** – Iordan derýasynyň düzlüginden Duz deňziniň günorta-demirgazygyna çenli ýaýylyp gidýän gury we tekiz ýer.
Çöl 22:1; 26:3.

**Arameý dili** – bu dil ýewreý diline degişlidir. B. e. öň VI asyrda bu esasy dil hökmünde ösüp, gadymy ýakyn Gündogarda (häzirki Orta Gündogarda) diplomatiýa we täjirçilik üçin ulanylypdyr. Ysraýyllar Babyl sürgüninden dolanyp gelenlerinden soň, halk ýewreý diline garanda arameý dilinde has köp geplemäge başlapdyr. Köne Ähtiň käbir bölekleri arameý dilinde ýazylypdyr, ýagny Ezr 4:8–6:18; 7:12-26; Dan 2:4–7:28. Isanyň döwründe bu dil ýahudylar we Isa tarapyndan giňden ulanylypdyr, şonuň üçin Täze Ähtde birnäçe arameý sözleri bar.
2Pat 18:26,28; Mat 5:22; Ýoh 5:2; 19:13.

Seret: Ýewreý.

**Arfa** – kirişli saz guralynyň bir görnüşi.
Zeb 32:2; 56:9.

1624-nji sahypadaky surata seret.

**Artemis** – grekleriň zenan hudaýynyň ady, oňa aýratyn Aziýa welaýatynda sežde edipdirler. Gadymy dünýäniň ýedi gudratynyň biri bolan onuň buthanasy Efes şäheriniň edil daşynda ýerleşipdir.
Res 19:24-35.

**Arwah-jyn** – Şeýtana gulluk edýän erbet ruhdur. Ol adama zyýan ýetirip ýa-da ony eýeläp bilýär. Isada olary kowup çykarýan gudrat bolupdyr we Ol arwah-jyn eýelän adama şypa beripdir. Resullara hem Isanyň ady bilen arwah-jynlary kowup çykarmak gudraty berlipdir.
Mat 8:16; Luk 8:26; Res 8:7; 16:18.

**Arýopagus** – Gresiýanyň Afiny şäherindäki baýyrlyk. Afiny şäheriniň möhüm adamlary bu baýyrlykda duşuşyp wajyp meseleler barada geňeşipdirler. Bu adamlaryň geňeşi hem Arýopagus diýlip atlandyrylypdyr.
Res 17:19,22,34.

**Aşera** – hasyl berýän iň möhüm zenan hudaýy hasaplanyp, oňa Kenganda we Siriýada sežde edipdirler. Bu zenan hudaýy köplenç Bagal hudaýy bilen gatnaşypdyr. Adamlaryň oňa sežde etmek üçin üýşen ýerinde, onuň agaçdan ýa-da daşdan ýonulyp ýasalan heýkeli dikilipdir.
Msr 34:13; Kan 7:5; 12:3; 16:21.

**Aştoret** – Suruň we Sidonyň esasy zenan hudaýy bolup, oňa Müsürde we Kenganda sežde edipdirler.
Ser 2:13; 2Pat 23:13.

**Aşur** – b. e. öň IX we VIII asyrlarda Aşur Ysraýylyň gündogarynda güýçli imperiýa bolupdyr. Onuň paýtagt şäheri bolan Ninewe häzirki demirgazyk Yrakda ýerleşipdir. B. e. öň 722-nji ýylda aşurlar Ysraýyl patyşalygyny basyp alypdyrlar we köp adamlary ýesir edip äkidipdirler. Soňra aşurlar öz imperiýasynyň beýleki böleklerinden adamlary Ysraýylyň ýurdunda ornaşdyrypdyrlar. Öz ýurdunda galan ysraýyl halky bu adamlar bilen gyz alşyp-berşipdir. Aşurlar Ýahuda patyşalygynyň hem üstüne çozupdyrlar, emma ýeňip bilmändirler. Soňrak Ninewe paýtagty Hudaýyň jezasy hökmünde duşmanyň ýeňiji goşunlary tarapyndan bütinleý weýran edilipdir.
2Pat 18:9–19:36; Nah 1-3.

**Aýanlyk** – käwagt pygamberlere Hudaý tarapyndan aýanlyk berilýär. Onda häzirki we geljekki zatlar barada görnüş bolýar. Şeýle aýanlyklarda Hudaý Öz merhemetini we hökümini görkezýär.
Gçk 41:25; Msr 6:3; Işa 40:5; 45:21; 65:1; Hab 1:1; Rim 1:17; 1Kor 14:26.

Seret: Görnüş.

**Aziýa** – Täze Äht döwründe Rim imperiýasynyň iň baý welaýaty bolupdyr. Bu günki gün bu welaýat Türkiýäniň araçäklerinde ýerleşýär.
Res 19:10; Rim 16:5; 1Kor 16:19.

Karta seret.

## B

**Babyl** – Babyl şäheri Babyl imperiýasynyň paýtagty bolupdyr we ol häzirki günorta Yrakda ýerleşipdir. B. e. öň 586-njy ýylda babyllylar Ýahuda patyşalygyny basyp alypdyrlar we köp adamlary Babyla ýesir edip äkidipdirler.
2Pat 25:1-12.

Seret: Ýahuda.

**Bagal** – kenganlar tarapyndan sežde edilen harasat hudaýy. Bagal sözi aslynda «hojaýyn», şeýle hem «är» diýmegi aňladýar.
1Pat 18:1-45; Ýer 7:9; Hoş 11:2.

**Baş ruhany** – Lewiniň nesli bolan Harun pygamber we onuň ogullary Hudaý tarapyndan ruhany bolmaklyga saýlanypdyrlar. Olar Mukaddes çadyrda Hudaýa hyzmat edipdirler. Harun pygamber ilkinji Baş ruhany hökmünde saýlanypdyr. Diňe Baş ruhana Iň mukaddes otaga girmäge rugsat edilipdir. Ol ysraýyllary günälerinden saplamak üçin ol ýere ýylda bir gezek «Günäden saplanma» güni giripdir. Ýewreýler kitabynyň awtory Isany kämil Baş ruhany hökmünde beýan edýär.
Msr 28; Lew 16.

1623-nji sahypadaky surata seret.

**Başan** – bu günorta Siriýanyň tekiz jülgeleri we baýyrlyklary. Ol Jelile kölüniň we Iordan derýasynyň gündogar tarapynda ýerleşýär. Başan Gilgat etrabynyň demirgazygynda bolup, özüniň semiz sygyrlary we bol hasyly bilen meşhur bolupdyr.
Ýeş 12:5; 13:11; Kan 3:10.

**Baýram ýyly** – her elli ýyldan ysraýyl halky toprak, miras, karz we gullar babatda Hudaý tarapyndan berlen ýörite düzgünleri berjaý etmeli bolupdyr.
Lew 25:1-34.

**Baýramçylyklar** – Mukaddes Kitapda ysraýyl halky tarapyndan bellenen birnäçe möhüm baýramçylyklar aýdylyp geçilýär. Aşakdaky sanawda bu baýramlaryň atlary berilýär:

Çatma baýramy
Ellinji gün baýramy
Galla baýramy
Günäden saplanma güni
Hasyl baýramy
Pesah baýramy
Petir baýramy
Purym baýramy
Surnaý baýramy
Täze Aý baýramy

Bu baýramlar baradaky maglumatlary sözlükden, olaryň hersiniň adynyň aşagyndan tapyp bilersiňiz.

**Bereket** –
Seret: Ýalkamak.

**Beýelzebul** – arwah-jynlaryň ýolbaşçysynyň ady. Bu at «Bagalzebupdan» gelip çykandyr; Bagalzebup Köne Äht döwründe ysraýyllara golaý ýaşan halklaryň sežde eden hudaýlarynyň biridir (2Pat 1:2-16). Beýelzebulyň beýleki ady şeýtandyr.
Mat 10:25; 12:21,24,27; Mar 3:19,22,22; Luk 11:15,18,19.
Seret: Şeýtan.

**Bu dünýäniň hökümdary** –
Seret: Şeýtan.

**But** – daşdan, agaçdan ýa-da başga bir zatdan ýasalan heýkel, adamlar olary hudaý hökmünde hasaplap, sežde etmek üçin ulanypdyrlar. Bularyň käbiri seždegähde saklar ýaly uly bolupdyr, käbiri öýde saklar ýaly kiçi bolupdyr.
Msr 20:4; Işa 40:19-20.
Seret: Öý butlary.

**Bütinleý ýok etmek** – Hudaýyň Öz halkyna söz beren ýurdunda uruşdan soň olja düşen emlägi, ýagny ýesirleri, haýwanlary we harytlary ysraýyl halkynyň bähbidi üçin alynman, eýsem bütinleý ýok etmek arkaly Hudaýa bagyş edilipdir.
Ýeş 6:17-21.

## Ç

**Çatma baýramy** – ýewreýleriň senenamasy boýunça ýedinji aýyň, ýagny Tişri aýynyň (muňa Etanym aýy hem diýlipdir) on bäşi bilen ýigrimi biri aralygynda, Günäden saplanma gününiň yz ýany bellenilipdir. Bu hepdäniň dowamynda ysraýyl halky Müsürden Kengana barýança, çölde azaşyp gezen döwrüni ýatlapdyr. Halk Hudaýa

bellenen gurbanlyklary hödürläpdir we çatmalarda ýaşapdyr. Bu baýramçylyk iň soňky gallanyň we miweleriň ýygnalýan döwri bolupdyr, şonuň üçin bu döwürde hasyl toýy tutulypdyr.
Müs 23:16, 34:22, Lew 23:33-36, 39-43, Çöl 29:12-34, Kan 16:13-15, Zek 14:16-19.

## D

**Dagon** – bu piliştlileriň hudaýy bolup, onuň göwresiniň ýarysyndan ýokarsy adam, aşaky ýarysy balyk hökmünde suratlandyrylypdyr.
1Şam 5:2.

**Dawut galasy** – Sion dagynda Iýerusalimiň köne bölegi, Dawut pygamberiň ýabuslylaryň ilatyny basyp alan ýeri.
2Şam 5:6-9; 1ÝÝ 11:5.

Seret: Içki gala.

**Dawut Ogly** – Hudaý hezreti Dawut patyşa onuň nesilleriniň biriniň müdimilik şalyk sürjekdigini söz beripdir (2Şam 7:12-16; Işa 9:6-7). Isanyň döwründe ýahudylar bu Patyşa garaşypdyrlar we Ony Mesih diýip atlandyrypdyrlar. Isa garaşylýan Patyşa hökmünde tanalypdyr we Ol Dawut Ogly diýlip atlandyrylypdyr.
Mat 9:27; 15:22.

Seret: Hudaýyň Ogly; Mesih.

**Dawut pygamber** – çölde çopançylyk edip ýörkä, Hudaý Dawudy ysraýyl halkyna patyşa edip saýlaýar. Ol Iýerusalimi basyp alyp, ony paýtagt şäheri etmek bilen duşmanlarynyň üstünden ysraýyl halkyna ýeňiş getiripdir. Dawut pygamber dogruçyl hem adalatly patyşa bolupdyr, ýöne ol hem günä edipdir. Şeýle hem ol sazanda we şahyr bolupdyr, ol köp sanly mezmurlar ýazypdyr, bular soňra Zebur kitabynyň bir bölegi bolupdyr. Dawut pygamberden soň onuň ogly Süleýman pygamber patyşa bolupdyr. Dawut Hudaýa örän sadyk bolupdyr, Hudaý diňe Dawudyň neslinden biriniň hemişelik patyşa boljakdygyna söz beripdir. Mattanyň Hoş Habary kitabyny açanymyzda, ol ýerde Hudaýyň Dawuda söz beren nesliniň Isadygy hakda gürrüň berilýär.
1Sa 16:13-23; 17:12-58; 2Sa 7; 11; Zeb 88:4; Mat 1:1; Rim 4:6; 2Ti 2:8; Aýn 5:5.

**Dekapolis** – Samariýa bilen Jeliläniň gündogaryndaky on şäher, olar Grek imperiýasy döwründe gurlupdyr. Isanyň döwründe olar Rim imperiýasyna degişli bolsalar-da, özleri hökümdarlyk edipdirler.
Mat 4:25; Mar 7:31.

**Deri keseli** – Köne we Täze Äht döwründe deri keseliniň köp dürli görnüşleri bolupdyr. Deri keseliniň haýsam bolsa birine ýolugan adam, bu kesel beýlekilere ýokuşmaz ýaly we ol başga adamy elläp, ony-da haram etmez ýaly, başgalardan aýry saklanypdyr.
Lew 13:45-46; 2Pat 5:1-27; Mat 8:1-4; Luk 7:22.

**Dikme daş** – bu uzyn daş bolup, dim--dik goýlupdyr. Bu dikme daş kimdir biriniň mazaryny bellemek üçin ýa-da möhüm bir zady ýa-da adamy ýatlamak üçin görkezme hökmünde ulanylypdyr. Olar keramatly hasaplanypdyr.
Gçk 28:18-22; 35:20; Msr 24:4; 2Şam 18:18.

**Doga-dileg etmek** – Mukaddes Kitapda doga-dileg etmek – kitapdan okamak ýa-da ýat tutup aýtmak däl-de, adatça kalbyňdaky zatlary Hudaýa ýürekden beýan etmekdir. Şeýle hem doga-dileg etmek, köp halatda Hudaýa alkyş aýtmagy ýa-da Ondan kömek sorap ýalbarmagy aňladypdyr. Mukaddes Kitap bize durmuşymyzyň ähli ugurlary babatda, şeýle hem öz tanaýan we bütin dünýäden eşidip, hatda tanamaýan adamlarymyzyň hem mätäçlikleri dogrusynda Hudaý

bilen gepleşip bilýändigimizi öwredýär. Isanyň bize nädip doga-dileg etmelidigini öwreden nusgasy Mattanyň Hoş Habarynyň 6-njy babynyň 9-13 aýatlarynda we Lukanyň Hoş Habarynyň 11-nji babynyň 2-4 aýatlarynda görkezlendir.
2Şam 7:27; Zeb 6:10; 141:2; Mat 6:9-13; Luk 11:2-4; Ýak 5:12-18; 1Pet 4:7; Fil 4:6; Kol 4:2; 1Tim 2:1-4.

Seret: Sežde etmek.

**Dogry** – Mukaddes Kitap Hudaýyň dogrudygyny öwredýär, Onuň ähli işleri dogrudyr. Şonuň üçin hem Hudaýyň halky Onuň buýruklaryna tabyn bolmak bilen, Onuň huzurynda dogry işleri etmäge çagyrylandyr. Işaýa pygamber halka: «Adalaty saklaň, dogry işleri ediň» diýip, öwüt-ündew edipdir (Işa 56:1). Täze Ähtde daşky görnüşi dogry, emma içi erbetlikden doly adamlaryň hakykatda kimdigini Hudaýyň bilýändigini Isa bize duýdurýar. Şeýle adamlar Hudaýyň jezasyndan gaçyp gutulmazlar. Pawlus Hudaýyň Ybraýym pygamberi imany sebäpli dogry hasaplandygyny öwredýär, edil şunuň ýaly, biz hem Hudaý tarapyndan dogry adamlar hasaplanmak isleýän bolsak, onda Hudaýyň saýlap-seçen Isa Mesihine iman etmelidiris.
Gçk 6:9; 15:6; Kan 12:25; Zeb 33:16; 63:11; Mat 13:49; Rim 4:3.

Seret: Adalatly.

## E

**Efiopiýa** – Mukaddes Kitapda Efiopiýa diýlip terjime edilen ýere häzirki Sudanyň bir bölegi we günorta Müsür, şeýle hem Efiopiýanyň demirgazyk bölegi girýär.
2Şam 18:21; Işa 11:11; 18:1; 20:3; Res 8:25.

**Efot** –

1. dini dabaralar geçirilýän wagty Baş ruhanynyň geýýän ýeňsiz üstki eşigi. Gursakçada saklanýan Urym we Tummym efodyň öň tarapyna baglanypdyr (Msr 28:6-14).

2. Zygyr matadan edilen eşikleri ruhanylar we hezreti Dawut patyşa geýipdir (1Şam 22:18; 2Şam 6:14).

3. Sežde edilýän bir zat (Ser 8:26-27; 17:5).

Seret: Gursakça; Urym we Tummym. 1621-nji sahypadaky surata seret.

**El goýmak** – Mukaddes Kitapda adamlar başga bir adama pata bermek we täze wezipä bellenendigini yglan etmek üçin onuň üstüne elini goýupdyrlar. Isa adamlara pata berende, şeýle hem şypa berende, elini olaryň üstüne goýupdyr. Edil şunuň ýaly, resullar adamlaryň üstüne ellerini goýanlarynda, olar Mukaddes Ruhy kabul edipdirler ýa-da şypa alypdyrlar.
Gçk 48:14; Çöl 8:10; Mar 10:16; Luk 4:40; Res 6:7; 13:3; 19:6.

**Ellinji gün baýramy** – Isanyň döwründe ysraýyllaryň Galla baýramy grekçe «Pentikost» diýlip atlandyrylypdyr, bu Ellinji gün diýmegi aňladypdyr. Sebäbi Galla baýramy Pesah baýramyndan elli gün soň bellenilipdir.
Res 2:1

Seret: Galla baýramy; Pesah baýramy.

**Elýaşa pygamber** – Ylýas pygamberden soň, onuň hyzmatyny dowam etdiren pygamberdir. Ol hem Ylýas pygamber ýaly köp gudratlar görkezipdir.
1Pat 19:16-21; 2Pat 2-13.

**Epikurçy filosoflar** – epikurçylar Epikur atly filosofyň taglymatlaryna eýeripdirler. Ol adamlaryň durmuşda bagtly bolmalydyklaryny we agyry bilen gorkyny aýryp taşlamalydyklaryny öwredipdir.
Res 17:18.

### Ä

**Äht** – Mukaddes Kitapda Hudaý bilen ynsanlaryň arasynda baglaşylan esasy bäş äht bar:

1. Nuh bilen baglaşylan äht (Gçk 6:18; 9:8-17).

2. Ybraýym bilen baglaşylan äht (Gçk 15; 17).

3. Kanun babatda ysraýyl halky bilen baglaşylan äht (Msr 19:5; 24; Kan 4:13).

4. Dawut bilen baglaşylan äht (2Şam 7:8-16).

5. Isa Mesihiň üsti bilen baglaşylan täze äht (Ýer 31:31-34; Luk 22:20; Ýew 8:6-13).

Gçk 9:9-17; 15:18; Msr 6:3-6; 19:5-6; 2Şam 5:3; Zeb 88:4-5.

**Äht sandygy** – agaçdan ýasalyp, altyna gaplanan sandyk bolupdyr. Ýüzüne On tabşyryk ýazylan iki ýasy daş bölegi hem onuň içinde saklanypdyr. Sandygyň gapagynyň üstünde ganatlaryny ýaýyp oturan iki sany kerubyň şekili bolupdyr. Bu sandyk mukaddes bolupdyr we Hudaýyň huzury onuň töweregini gurşapdyr, oňa el degirmek gadagan eken. Sandyk çadyryň Iň mukaddes otagynda adamlardan gizlen saklanypdyr, soňrak bolsa ybadathana göçürilipdir. Diňe Günäden saplanma güni baş ruhany oňa ýakyn baryp bilipdir, ol ýany bilen tütetgi alypdyr, munuň tüssesi bolsa sandygyň gapagyny görünmez ýaly ruhanydan gizläpdir.

Msr 25:10-22; 26:33; Lew 16:13-15; Çöl 10:33-36; Ýeş 3; 1Şam 5; 2ÝÝ 5:2-10.

Seret: Baş ruhany.

### F

**Faraon** – bu at Müsür patyşasy üçin berlen atdyr.

Gçk 12:10-20; Msr 1-14.

**Fariseýler** – Isanyň döwründe fariseýler ýahudylaryň dolandyrýan mejlisinde güýçli topar bolupdyr. Olar saddukeýler bilen işleşipdirler, emma olardan tapawudy, fariseýler adamlaryň direljekdigine ynanypdyrlar. Fariseýler Hudaýyň Musa beren ähli kanunlaryny bilipdirler we olar adamlara bu kanunlary edil ýazylyşy ýaly ýerine ýetirmegi öwredipdirler. Şeýle hem olar özleriniň Kanuna goşan däp-dessurlaryny we düzgünlerini halka öwredipdirler.

Mat 15:1; Luk 11:39; Luk 20:27; Ýoh 11:46.

Seret: Mejlis; Saddukeýler. 1626-njy sahypadaky surata seret.

**Finikiýa** – Ortaýer deňziniň kenaryndaky meýdana grekler Finikiýa diýip at beripdirler. Häzirki wagtda bu ýer Liwanyň bir bölegidir. Sur we Sidon onuň iň wajyp şäherleri bolupdyr, olaryň halky meşhur deňizçiler we söwdagärler bolupdyr.

Res 11:19; 15:3; 21:2.

### G

**Gala derwezeleri** – galalaryň we şäherleriň töweregi gorag üçin diwarlar bilen örtülipdir. Derwezeleriň öňündäki açyk meýdan adamlara duşuşmak üçin amatly ýer bolupdyr, şeýle hem bu ýer höküm yglan edilýän, jemgyýetçilik ýygnaklary geçirilýän we söwda-satyk edilýän ýer bolupdyr.

Rut 4:1-11; 2Şam 19:8.

**Galla baýramy** – ýewreýleriň senenamasy boýunça üçünji aýyň, ýagny Siwan aýynyň altysyna bellenipdir. Bu tomusda, Pesah baýramyndan soňra ýedi hepde geçensoň bellenipdir. Şol ýedi hepdäniň dowamynda hasyl ýygnalypdyr, arpadan başlap, bugdaýa çenli ýygnalypdyr. Şol gün ysraýyl halky Hudaýyň hasyla beren berekedi üçin toý edip, her dürli

sadakalar getiripdir. Isanyň döwründe bu baýram Ellinji gün baýramy hökmünde meşhur bolupdyr.
Lew 23:15-21; Kan 16:9-12.
Seret: Ellinji gün baýramy; Pesah baýramy.

**Galla sadakasy** – bu sadaka köplenç hasyl üçin minnetdarlyk bildirilip, Hudaýa we ruhanylara sowgat hökmünde berlipdir. Bu sadaka çig ýa-da bişen galla bolupdyr, ýa-da olar gallany üwäp, uny ýag we ýakymly ysly zatlar bilen garyp, ondan bir zatlar bişirip getiripdirler.
Msr 40:29; Lew 2:1-16; 6:14-17; 23:9.

**Gan** – Töwratda gan gaty möhüm zat hasaplanýar. Gan diňe Hudaýa degişli bolan durmuş gaby hasaplanyldy, şonuň üçin kimdir biri öldürilse, şol gan akan toprak haram saýyldy. Haýwan öldürilende, onuň ganyny ýere akdyrypdyrlar. Hiç kime ol gandan içmäge ýa-da nahar taýýarlamaga rugsat edilmändir. Gurbanlyklar hödürlenende, mallaryň gany adamlary we gurbanlyk sypalaryny mukaddes etmek üçin ulanylypdyr.
Gçk 4:10f; 9:4; 37:26; Msr 29:21; Lew 1:5; 16:18-19; 17:10-11.

**Girgaşlar** – Ysraýyl halky Kengan ýurduny eýelemezden öň, ol ýerde ýaşan halklaryň biri
Gçk 15:21.
Seret: Kengan.

**Gitit** – manysy belli däl. Saz guralarynyň bir görnüşi bolmagy ähtimal.
Zeb 8:1: 80:1; 83:1.

**Gomora** – Öli deňziň demirgazygyndaky Iordan jülgesinde ýerleşýän bir şäher. Halkynyň eden pislikleri sebäpli Gomora Sodom şäheri bilen birlikde Hudaý tarapyndan weýran edildi.
Gçk 19; Isa 1:9; Ýer 23:14; Mat 10:15.

**Gögüň Şalygy** –
Seret: Hudaýyň Şalygy.

**Gök** – bu asmandan-da ýokarda bolup, Hudaýyň we Onuň perişdeleriniň ýaşaýan ýerini aňlatmak üçin ulanylypdyr. Täze Ähtde Isanyň gökden gelendigi we ölümden direlenden soň, ýene göge göterilendigi, şeýle hem Höküm güni Onuň ýene geljekdigi aýdylýar. Kim Isa ynanýan bolsa, Onuň bilen bile göge göteriler. Aýanlyk kitabynda täze gögüň we täze ýeriň şekili suratlandyrylýar.
Gçk 1:30; 21:17; Ýeş 5:14; 1Pat 8:27,30; Zeb 52:3; Mar 11:25; Ýoh 6:41-51; 2Kor 5:1,2; Fil 3:14,20; 1Sal 4:16; 2Sal 1:7-8; Aýn 21:1-4.

**Görgür** –
Seret: Pygamber.

**Görnüş** – kimdir birine başgalara ýetirmek üçin berilýän habar. Hudaýdan gelen görnüşler Köne Ähtde, esasan hem Pygamberlik kitaplarynda beýan edilýär. «Görnüş» we «aýanlyk» sözleriniň manysy biri-birine örän ýakyn.
Çöl 12:6; Res 10:9-16.
Seret: Aýanlyk; Pygamber.

**Grekler** – Isgender Zülkarneýniň we onuň goşunynyň basyp alan çäklerinde ýaşaýan halklaryň hemmesi diýen ýaly grek medeniýetini we dilini kabul edipdirler. Şonuň üçin-de, Isa Mesihiň döwründe ýaşan ýahudylar arameý dilinde däl-de, grek dilinde gürleşýärdiler. Grek medeniýeti olaryň dünýägaraýşyna we pikirlerine güýçli täsirini ýetirýärdi. Şoňa görä-de, Täze Ähtiň kitaplary grek dilinde ýazylandyr.

**Gurbanlyk sypasy** –
Seret: Sypa.

**Gurbanlyklar** – Köne Ähtde beýan edilen esasy gurbanlyklar şulardyr: Ýakma gurbanlygy; Salamatlyk gurbanlygy; Günä gurbanlygy; Ýazyk gurbanlygy. Gurbanlyklar baradaky maglumatlary bu sözlükde olaryň hersiniň adynyň aşagyndan okap bilersiňiz.

**Gursakça** – bu baş ruhany tarapyndan geýlip, efodyň üstünden baglanypdyr. Gursakçanyň ýüzüne Ysraýylyň on iki tiresiniň her biri üçin on iki sany gymmatbaha daş tikilipdir. Onuň içinde keramatly saýylan iki zat, Urym we Tummym bolupdyr.
Msr 28:4-30

Seret: Efot; Urym we Tummym.

**Günä gurbanlygy** – bir adam ýa-da tutuş halk Rebbiň beren buýruklaryny tötänden bozanda, şu gurbanlyk arkaly ruhany olary günälerinden saplapdyr.
Lew 4:2-35.

**Günäden saplanma güni** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýedinji aýyň, ýagny Tişri aýynyň (muňa Etanym aýy hem diýlipdir) onuna bellenilipdir. Bu Surnaý baýramyndan soň güýzde bolupdyr. Şol gün adamlar işlemän, dynç alypdyrlar we agyz bekläpdirler. Ruhanylar özlerini we halky eden günälerinden saplamak üçin, şeýle hem Mukaddes çadyry we gurbanlyk sypasyny tämizlemek üçin bellenilen gurbanlyklary hödürläpdirler. Bu ýylyň dowamynda iň möhüm baýram bolupdyr.
Lew 16.

**Gyrnak aýal** – bu gyrnak ýa-da ýesir alnan aýal bolupdyr. Onuň maşgalada derejesi hemişelik eken, belli bir hukugy bolupdyr, emma hojaýynynyň aýaly bilen deňhukukly bolmandyr.
Gçk 22:24; 2Şam 5:13; 1Pat 11:3.

**Gyzyl deňiz** – Köne Ähtde bu at Gyzyl deňiz diýlip terjime edilýär, ol sözmesöz «Ýam suf» bolup, «Gamyş deňzi» diýmegi aňladýar. Käbir alymlar «Ýam suf» Müsür bilen Ysraýylyň arasynda ýerleşýän bir aýlagy aňladýar diýip pikir edýärler.
Msr 10:19.

## H

**Haça çüýlemek** – Rim imperiýasynda elhenç jenaýat edenleri haça çüýläp, olara ölüm jezasyny bermeklik adat bolupdyr. Ol ýerde esgerler ol adamy haça çüýläpdirler ýa-da ýüp bilen haça baglapdyrlar. Soňra haçy dikläpdirler we ol adam demi gutaryp ölýänçä, şol haçda durupdyr. Haçda çüýlenip öldürilmek uly masgaraçylyk hasaplanypdyr.
Mat 27; Mar 15; Luk 23; Ýoh 19.

**Halasgär** – Köne Ähtde Hudaý Halasgärdir, sebäbi Ol Öz halkyny duşmanlaryndan halas etdi. Pygamberleri arkaly geplemek bilen, Hudaý Özüni Halasgär diýip atlandyrýar. Ýewreýçe «Ýeşuwa» diýen at «Reb – Halasgär» diýmegi aňladýar. Ýeşuwa we Isa diýen iki adyň ýewreýçe ýazylyşy «Ýehoşuwa» diýen sözden gelip çykýar. Ýusuba görnen perişde Isanyň Öz halkyny günälerinden halas etjekdigini habar berýär. Isanyň doglan gijesi Jebraýyl perişde «Siziň üçin Halasgär doguldy» diýip jar edýär.
Işa 43:3; Mat 1:21; Luk 2:11.

**Hantagta** – Rebbe hödür edilen çörekleri goýmak üçin ýörite ýasalan tagta. Hantagta agaçdan ýasalyp, sap altyna gaplanypdyr. Ol Mukaddes çadyryň içinde, soňrak Iýerusalimdäki ybadathanada goýlupdyr.
Msr 25:23-30, 26:35.

Seret: Hödür çöregi.

**Hasyl baýramy** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýedinji aýda, ýagny Tişri aýynda (muňa Etanym aýy hem diýlipdir) edil Günäden saplanma gününiň yz ýany bellenipdir. Tişri aýy güýz paslynda bolupdyr. Bu Çatma baýramynyň bir bölegi bolup, Köne Ähtde iki gezek gabat gelýär.
Msr 23:16; 34:22.

Seret: Çatma baýramy.

**Heläkçilik ýeri** –

Seret: Ölüler dünýäsi.

Eýp 26:6; 28:22; 31:12; Zeb 87:12.

**Hepdäniň birinji güni** – bu ýewreýleriň senenamasy boýunça ýekşenbe güni.

**Hermon dagy** – Ysraýyl topragynda iň beýik dag bolup, ýurduň demirgazygynda ýerleşipdir.

**Hetler** – Ysraýyl halky Kengan ýurduny eýelemezden öň, ol ýerde ýaşan halklaryň biri. B. e. öň 1200-nji ýylda olaryň uly imperiýasy bolupdyr, häzirki Türkiýäniň bir bölegi bolupdyr.

Seret: Kengan.

Gçk 10:15.

**Higaýon** – bu saz guralynyň bir görnüşi.

Zeb 9:17.

**Hirod** – Täze Ähtde Hirod diýlip atlandyrylýan dört adam bar:

1. Isa doglan wagty Ýahudanyň patyşasy bolan, Beýik Hirod diýlip atlandyrylan patyşa. Isa bäbekkä Ony öldürmäge synanyşan hem şoldy (Mat 2:1-22; Luk 1:5).

2. Isa wagyz eden we gudratlar görkezen döwri Jelilede patyşa bolan Hirod Antip. Doganynyň aýaly Hirodiýa öýlenen we Ýahýa çümdürijiniň kellesini çapmagy buýran hem şoldy. Ýahudylar Isany haça çüýlemezden öň, şu Hirod tarapyndan tutup getirýärler. (Mar 6:14-29; Luk 23:6-12).

3. Patyşa Hirod Agrip birinji, irki ýygnakda Isanyň yzyna eýerenleri yzarlan adam. Ol Ýahýanyň dogany Ýakuby öldürdýär (Res 12:1-23).

4. Patyşa Hirod Agrip Ikinji, Pawlus imperator tarapyndan höküm edilmegi üçin Rime iberilmezden öň, ony öz ýagdaýy bilen tanyşdyrýar (Res 25:13–26:2; 26:19, 27-32).

**Hiwiler** – Ysraýyl halky eýelemezden öň, Kenganda ýaşan halklaryň biri. Olar ýurduň merkezinde ýaşapdyrlar.

Gçk 10:17; Msr 3:17; 13:5.

Seret: Kengan.

**Horep** –

Seret: Sinaý.

**Horylar** – Ysraýyl halky eýelemezden öň, Kenganda ýaşan halklaryň biri.

Gçk 14:6; 36:20-30; Kan 2:21-22.

Seret: Kengan.

**Hossar** – gadymy Ysraýylda hossaryň dürli jogapkärçiligi bolupdyr. Onuň garyndaşy öldürilende, gandardan hun alypdyr. Maşgalada miras galar ýaly, oňa satylan emlägi yzyna satyn almaga rugsat edilipdir.

Çöl 35:12-27; Rut 4:1-8; Eýp 19:25;

**Hoş habar** – Täze Ähtde bu söz Isanyň ölümi we Onuň ölümden direlmegi arkaly Hudaýyň Şalygynyň berkarar bolandygy, Oňa ynanýanlaryň halas edilendigi baradaky habar.

Mat 4:23; Mar 1:15; Rim 1:16; 1Kor 15:1-11; Gal 1:11.

**Hoşboý ysly gamyş** – atyrlar we ýaglar almak üçin ulanylan gamşyň bir görnüşi.

Msr 30:23; Nag 4:14; Işa 43:24; Ýrm 6:20; Ezk 27:19.

**Hoşeýa pygamber** –

Seret: Hoş 1; Rim 9:25.

**How ene** – How ähli adamzadyň enesi bolupdyr, onuň ady ýewreýçe «ýaşaýyş» diýmegi aňladypdyr.

Gçk 3:20.

**Hödür çöregi** – çadyrda, soňra ybadathanada hantagtanyň üstünde goýlan on iki sany petir çöregi. Çörekler hantagtada bir hepdeläp galdyrylypdyr. Soňra täze on iki çörek bilen çalşyrylypdyr. Hantagtadan aýrylan bu çörekleri diňe ruhanylara iýmäge rugsat edilipdir.

Lew 24:5-9; 1Şam 21:4

Seret: Mukaddes otag.

**Hudaý** – gögi we ýeri, ýagny tutuş älem-jahany ýaradan Hudaýdyr. Hudaý başga-da ençeme atlar bilen atlandyrylypdyr, emma olaryň hemmesi şol bir Hudaýy aňladypdyr: Reb, Beýik Hudaý, Hökmürowan Reb, Mukaddes.

Seret: Reb.

**Hudaýyň Guzusy** – Ýahýa çümdüriji Isa Mesihi Hudaýyň Guzusy diýip atlandyrýar. Ýahudylaryň urp-adatlaryna görä, Hudaý olaryň günälerini bagyşlamagy üçin, olar janly soýup, Hudaýa gurbanlyk beripdirler. Bu gurbanlyk arkaly olar Hudaýyň nazarynda päk saýylypdyr. Ýahýa, belki, bu gurbanlygy göz öňünde tutup, Isany şeýle atlandyrandyr. Belki-de, Ony Pesah guzusy öýdüp pikir edendir. Pesah baýramynda ysraýyllar janly soýup, özleriniň nowbahar ogullarynyň şol janlynyň gany arkaly ölüm perişdesiniň elinden halas bolandyklaryny ýatlapdyrlar. Aýanlyk kitabynyň 5-nji babynda beýan edilen görnüşde Mesih Guzy hökmünde suratlandyrylýar.

Ýoh 1:29, 36; Lew 4:32; Msr 12:21-27.

Seret: Günä gurbanlygy; Pesah baýramy.

**Hudaýyň Ogly** – Köne Ähtde «Hudaýyň Ogly» patyşalar üçin, iň möhüm patyşa bolan Dawut pygamber üçin ulanylypdyr. Reb Dawudyň oglunyň hemişelik şalyk sürjekdigini we Hudaý bilen ata-ogul gatnaşygynyň boljakdygyny söz berýär. Bu ogul ýahudylar tarapyndan Mesih diýlip atlandyrylypdyr. Şeýlelikde, Täze Ähtde bu atlar, ýagny Hudaýyň Ogly we Mesih, ikisi hem diňe Isa üçin ulanylýar. Bularyň ikisi hem Hudaýyň Şalygyny berkarar etmek üçin Hudaý tarapyndan Saýlanyp-seçilen diýmegi aňladýar, Hudaý bilen Isanyň deňhukukly gatnaşygy bar.

Seret: Mesih.

**Hudaýyň Şalygy** – Matta tarapyndan Hudaýyň Şalygyna «Gögüň Şalygy» hem diýilýär. Isa Mesih bu dünýä gelende, adamlaryň Hudaý bilen täze aragatnaşykda ýaşamagyna ýol açmak arkaly Hudaýyň Şalygyny berkarar etdi. Hudaýyň Şalygynyň adamlary Isa ynanýan we tabyn bolýan adamlardy. Isa Mesih dolanyp gelende, Hudaýyň Şalygy doly tamam bolar we bu ähli adamlara aýdyň aýan bolar.

Mat 19:24; Luk 13:29; Ýoh 3:3-5; Rim 14:17.

**Hyzmat etmek** – Mukaddes Kitapda bu söz diňe bir hojaýynlaryna hyzmat edýän adamlary däl-de, eýsem Hudaýa hyzmat edýän Onuň adamlaryny hem aňladypdyr. Isa ynanýanlar Hoş Habary wagyz edip we beýleki mesihilere ýagşylyk edip, olaryň mätäçliklerine kömek etmek bilen Oňa hyzmat edýärler.

Çöl 16:8-9; Kan 6:13; Ýeş 23:7,16; 24:24.

Seret: Sežde etmek.

## I

**Iblis** –

Seret: Şeýtan.

**Içgi sadakasy** – gurbanlyk sypasynyň üstüne şerap, käte ýag guýmak bilen Hudaýa hödür edilipdir.

Gçk 35:14; Lew 23:13.

**Içki gala** – diwarlar bilen örtülen galanyň içindäki berkitme. Bu şäheriň iň beýik ýeri bolupdyr.

1Pat 16:18; 2Pat 15:25; Ýer 30:18.

**Imperator** – Rim imperiýasynyň patyşasy. Täze Ähtde üç imperator ýatlanýar:

1. Imperator Awgust, ol Oktawiýan diýlip hem atlandyrylýardy (b. e. öň 27-nji ýyldan b. e. 14-nji ýylyna çenli). Isa doglanda, ol imperatordy (Luk 2:1).

2. Imperator Tiberiýus (b. e. 14-37 ýý). Isa wagyz eden we ölüp-direlen döwri ol imperatordy (Luk 3:1; Ýah 19:12).

3. Imperator Klawdiý (b. e. 41-54 ýý). Ol ýahudylary Rimden kowup çykardy (Res 18:1-4).

**Injil** – Täze Äht.

**Iň mukaddes otag** – Mukaddes çadyryň iň içki otagy, soňrak bu ybadathanada Äht sandygynyň saklanan ýeri bolupdyr. («Mukaddes çadyr» we «Ybadathana» sözleriniň aşagynda berlen suratlara serediň.) Süleýmanyň guran ybadathanasynda bu içki otag diýlip atlandyryldy we ol ýerde keruplaryň şekili hem bolupdyr. Içki otag daşky otagdan uly tuty arkaly bölünipdir. Kanuna görä, diňe baş ruhana içki otaga girmäge rugsat berlipdir, ol hem diňe ýylda bir gezek, Günäden saplanma güni girip bilipdir.

Msr 26:33; Lew 16:1-2; 1Pat 6:16-30.

1628-nji sahypadaky surata seret.

Seret: Günäden saplanma güni; Kerup; Mukaddes otag; Mukaddes öý; Tuty; Ybadathana.

**Iordan derýasy** – Jelile köli bilen Öli deňziň arasyndan akýan derýa. Gündogarda Ysraýyl ýurdunyň araçägi hökmünde ulanylypdyr. Ysraýyllar Kengana girmezden öň bu derýadan geçipdirler.

Ýeş 2:1.

Karta seret

Seret: Jelile.

**Isa** – Isanyň ýewreýçe ady «Ýeşuwa» bolup, ol «Reb halas edýär» diýmegi aňladýar. I asyrda bu at ýahudylar üçin ýörgünli at bolupdyr.

**Işaýa pygamber** – Işaýa pygamber Ýahuda patyşalary Uzyýanyň, Ýotamyň, Ahazyň we Hizkiýanyň döwründe pygamberlik edipdir. Ol b. e. öň VIII asyrda ýaşap geçdi. Işaýa bilimli adam bolupdyr, ol patyşanyň maslahatçysy hökmünde ömrüni Iýerusalimde geçiripdir. Bu döwürde Ysraýyl patyşalygy Assyriýa imperiýasy tarapyndan basylyp alnyp, Ýahuda patyşalygy bolsa hemişe howp astynda bolupdyr. Işaýanyň pygamberlikleriniň aglabasy Hudaýyň Öz halkyny halas edýändigi baradadyr, emma şol bir wagtyň özünde ol ysraýyllara pislik edýänleri, adalatsyzlary we buta çokunýanlary Hudaýyň höküm etjekdigini duýdurypdyr. Işaýa daş-töweregindе bolup geçýän wakalara degişli görnüşler görüpdir, şeýle hem ol geljekde boljak zatlary görnüş arkaly öňden görüpdir, esasan hem ejir çekmek bilen Hudaýyň halkyny halas etjek Gul baradaky görnüşi görüpdir. Täze Ähtde bu pygamberlikler Isa Mesihde amala aşmak bilen aýdyň äşgär bolýar.

2Pat 19-20; Işa 1, 6; Mat 4:14; 8:17; 12:17; Ýoh 12:38-41; Res 8:28-35.

**Iýerusalim** – Iýerusalim Dawut pygamber bilen Süleýman pygamberiň hökümdarlyk eden döwründe Ysraýylyň paýtagty bolupdyr. Süleýmanyň ölüminden soňra bu Ýahuda patyşalygynyň paýtagty bolupdyr. Bu şäher Sion ady bilen hem tutulypdyr.

2Şam 5:6-15; 2ÝÝ 9:25; 2ÝÝ 11:5-17; Zeb 68:36.

## J

**Jebraýyl perişde** – adamzada Hudaýyň habaryny getirýän perişde. Köne Ähtde ol Danyýel pygambere görnüp, oňa Hudaýdan gelen görnüşleri düşündirýär. Täze Ähtde ol Zekarýa görnüp, Ýahýanyň doguljakdygyny, şeýle-de Merýeme görnüp, Isa Mesihiň doguljakdygyny habar berýär.

Dan 8:14-19; 9:19-21; Luk 1:19,26.

**Jelile** – Ysraýyl ýurdunyň demirgazyk etraby.

Mat 2:22; Işa 9:1.

**Jennet** – grekçe bu söz «owadan bag» diýmegi aňladýar. Täze Ähtde bu söz Isa ynanýanlaryň ölümden soň gidýän ajaýyp ýerini aňladýar.
Luk 23:43; Aýn 2:7.

**Jul geýinmek** – gadymy Ysraýylda adamlar eden günäsine toba edýändiklerini görkezenlerinde ýa-da kimdir biriniň ýasyny tutanlarynda, jul geýnipdirler we külüň üstünde oturypdyrlar ýa-da depelerinden kül sepeläpdirler. Umuman bu gam-gussany görkezmek üçin ulanylypdyr.
2Şam 3:31; Neh 9:1; Mat 11:21.

## K

**Kanun** – Töwradyň bäş kitaby: muňa sežde, mukaddes öý, baýramlar, gurbanlyklar we sadakalar degişli bolup, iň esasy hem Hudaýyň halky hökmünde ysraýyllaryň nähili ýaşamalydyklaryna degişli Hudaýyň beren kanunlaryndan ybarat. Bu köplenç Musanyň kanuny (Ýeş 8:29) ýa-da Mukaddes kanun (Mat 23:23) diýlip atlandyrylypdyr. Kanunyň esasy bölegi On tabşyrykdyr (Msr 20:1-17; Kan 5:6-21).
Seret: Kanun kitaby; Töwrat.

**Kanun kitaby** – muňa Rebbiň beren kanunlaryndan ybarat bolan Kanun taglymaty kitabynyň bir bölegi ýa-da Töwradyň bäş kitaby degişlidir.
Kan 30:9-10; Ýeş 1:8; Gal 3:10.
Seret: Töwrat.

**Kemoş** – Mowaplaryň hudaýy.
1Pat 11:7, 33; Ýrm 48:13,46.
Seret: Mowaplar.

**Kengan** – Nuhuň agtyklarynyň biriniň ady. Onuň nesilleri bolan kenganlar Ortaýer deňzi bilen Iordan derýasynyň aralygynda ornaşypdyrlar, şonuň üçin ol ýere Kengan ady berlipdir. Soňra olar ysraýyllar tarapyndan basylyp alnypdyr.
Gçk 9:18; 12:5; Msr 6:4; Ýeş 5:12.

**Kenganlar** – kenganyň ilaty garyşyk bolup, finikiýalylara ýakyn bolupdyr. Käwagt bu söz ol ýerde ýaşan ähli tireleri aňladyp, umumy ulanylypdyr, käte diňe bir tiräni görkezmek üçin ulanylypdyr. Soňra olar Kengany basyp alan ysraýyllar tarapyndan öldürilipdir, diri galanlary-da kowlup çykarylypdyr.
Gçk 12:6; 15:18-21; Ýeş 16:10.

**Kerup** – ganatly perişdeler. Olar Erem bagynda ýaşaýyş daragtyny gorapdyrlar. Ezekiýel (ýagny Kifl) pygamberiň gören görnüşinde keruplar Hudaýyň tagtynyň depesinde ýerleşipdir. Äht sandygynyň üstünde ganatlaryny gapagyň üstüne ýaýyp oturan iki sany kerubyň altyndan ýasalan keşbi bar.
Gçk 3:24; Msr 25:18-22.
Seret: Äht sandygy; Perişde; Seraflar.

**Kesetler** – ilki Mesopotamiýadaky düzlükde, soňra Babyl şäherinde ýaşan tire. Kesetler ol ýerdäki ýaşan tireleriniň arasynda iň güýçli tire bolupdyr we şonuň üçin olaryň ady köplenç tutuş babyllylary aňlatmak üçin ulanylypdyr.
Ezr 5:12; Işa 47:1.
Seret: Babyl.

**Keýnler** – Ysraýyl halky eýelemezden öň, Kengan ýurdunda ýaşan halklaryň biri.
Gçk 15:19; 4:11; 1Şam 15:6; 27:10; 1ÝÝ 2:55.
Seret: Kengan.

**Käkilik oty** – ýakymly ysly ösümlik. Ruhany bir bogdak käkilik otuny suwa ýa-da gana batyryp, tämizlemek üçin adamlaryň ýa-da beýleki zatlaryň üstüne sepipdir.
Lew 14:4,6; Zeb 50:9.
Seret: Murdar; Tämiz.

**Köne Äht** – ol Töwratdan, Zeburdan, Taryhy, Danalyk we Pygamberlik kitaplaryndan ybarat. Bu kitaplar Isa Mesih gelmezden öň ýazylypdyr, olaryň käbirinde Onuň geljekdigi baradaky pygamberlikler bar.

Seret: Pygamberlik etmek; Täze Äht; Töwrat; Zebur.

**Kül üstünde oturmak** –

Seret: Jul geýinmek.

## L

**Ladan** – gyrymsy agajyň gür ýapragyndan çykýan şire. Şire gataýar we ýakymly ysly şepbik hökmünde satylýar, ony owradyp, ondan derman ýasaýarlar.
Gçk 37:25; 43:11.

**Lewiler** – Lewiler Ýakubyň ogly Lewiniň nesilleridir. Lewi tiresi üç uruga bölünipdir: Gerşonyň, Kohadyň we Meraryň nesilleri. Musanyň döwründe Hudaý lewi tiresinden bolan Harun pygamberiň nesillerini ruhanylyga saýlapdyr; beýleki lewileriň ählisini Mukaddes çadyrda hyzmat edip, ruhanylara kömekleşmäge belläpdir. Diňe şu tiräniň özbaşdak mülk ýeri bolmandyr, sebäbi olaryň wezipesi Mukaddes çadyrda, soňra ybadathanada hyzmat etmek bolupdyr. Şonuň üçin bulara mülk ýer beýleki tirelerden bölünip berlipdir.
Msr 6:25; 38:21; Lew 25:32f; Çöl 3:6.

Seret: Ruhany.

**Lira** – Ysraýylda we onuň daş-töweregindäki ülkelerde ulanylan kirişli saz guraly. Ol uly göwrümli arfa meňzeş bolupdyr.
Gçk 4:21; 1Şam 16:15-23; Zeb 70:22.

1624-nji sahypadaky surata seret.

**Liwan** – Ysraýylyň demirgazyk araçäginde ýerleşýän daglyk ýurt, ol kedr tokaýlygy bilen meşhur bolupdyr. Süleýman patyşa Iýerusalimde köşgüni we ybadathanany Liwanyň kedr hem beýleki agaçlaryndan gurupdyr.
1Pat 5:6-10; Ezr 3:7; Işa 60:13.

**Liwýatan** –

Seret: Aždarha.

**Loly** – gazanç üçin tenini satýan aýal.
Sül 9:3; Hoş 4:14; Ýak 2:25; 1Kor 6:15,16.

**Lut** – Ybraýym pygamberiň doganynyň ogly. Ol ownukly-irili mallary we çadyrlary bilen Sodom galasynyň töweregindäki derede mesgen tutupdyr. Soňra Reb Sodom bilen Gomora şäherleriniň ikisini weýran edipdir, ýöne perişdeler Luty maşgalasy bilen bile halas edipdirler. Lut mowaplaryň we ammonlaryň atasydy, soňra onuň nesilleri Ysraýylyň duşmany bolupdyrlar.
Gçk 12:4–14:16; 19:1-36; 2Pet 2:7,8.

## M

**Madaý** – häzirki günbatar-demirgazyk Eýranda ýerleşýän güýçli patyşalyk. Pars imperiýasynda madaýlar parslar bilen bile bir patyşalykda gulluk edipdirler. Şonuň üçin olaryň kanunlaryna «Medes we pars kanunlary» diýlipdir.
2Pat 17:6; Est 1:19; Dan 6:8,12,15; Res 2:9.

Seret: Pars imperiýasy.

**Manna** – Ysraýyllar Sinaý çölünde azaşyp ýörkäler, Hudaý tarapyndan asmandan ýagan iýmit.
Msr 16:31-35; Çöl 11:6f; Zeb 77:24; Ýoh 6:31-58.

**Maskil** – Zebur kitabynda bir aýdymyň görnüşi. Olar birnäçe maksatlar üçin ýazylypdyr: gudratly işleri üçin Hudaýy şöhratlandyrmak; halkyň betbagtçylygyna ýa-da şahsy gynanjyna ýas tutmak; şeýle hem alkyş aýtmak we ýalbarmak üçin.
Zeb 31; 41; 52; 89; 142.

Seret: Mezmur; Zebur.

**Mejlis** – Mukaddes Kitapda birnäçe mejlis agzalyp geçilýär. Olaryň ikisi iň möhümidir:

1. Hudaýyň mejlisi.

2. Ýahudylaryň mejlisi. Hudaýyň mejlisine perişdeler we gögüň başga ylahy barlyklary ýygnanýarlar. Ýahudylaryň mejlisine iň möhüm ýahudy adamlaryndan ýetmiş birisi degişli bolupdyr. Olaryň arasynda fariseýler we saddukeýler bolup, Baş ruhany mejlise baştutanlyk edipdir. Rimlileriň hökümdarlygy astynda mejlisiň raýat we jenaýat işlerine garamaga ygtyýary bolupdyr, ýöne hiç kimi höküm etmäge hukugy bolmandyr.

Eýp 15:8; Zeb 81:1; 88:6: Mar 14:53-65; Res 4:1-22.

**Merýem** – Täze Ähtde Merýem atly birnäçe aýal bar:

1. Isanyň ejesi Merýem.

2. Magdalaly Merýem. Isa Magdalaly Merýemden ýedi sany erbet ruhy çykardy we Merýem Isanyň yzyna eýerijileriň biri boldy (Mat 27:55-56; Mar 16:9; Luk 8:2; Ýoh 20:1-2; 11-18 we beýleki bölekler).

3. Beýtaniýadaky Merýem. Ol Marta bilen Lazaryň doganydy. Ol Isanyň aýagujunda oturyp, Onuň öwütlerini diňledi (Luk 10:38-42; Ýoh 11:1-5; 12:1-7).

4. Ýakup bilen Ýusubyň ejesi Merýem. Bu Merýem Kleopasyň aýaly Merýem bolmagy ahmal, ýöne bu anyk däl (Mat 27:56; Mar 15:40; 16:1; Luk 24:10).

5. Ýohannanyň (oňa Mark hem diýipdirler) ejesi Merýem. Bu Merýemiň Iýerusalimde öýi bolupdyr we Isa şägirtleri bilen ol ýerde duşuşypdyr (Res 12:12).

**Mesh ýagy** – kimdir biriniň Rebbe bagyş edilendigininiň ýa-da mukaddes edilendigininiň nyşany hökmünde onuň depesine ýag guýlupdyr ýa-da sepilipdir. Msr 25:6.

Seret: Ýag guýmak, Mesih. 1628-nji sahypadaky surata seret.

**Mesih** – bu at «depesinden ýag guýlan adamy» aňladypdyr. Köne Ähtde kimdir biriniň depesinden ýag guýmak onuň ruhany ýa-da patyşa hökmünde Hudaý tarapyndan aýratyn saýlanandygynyň nyşany bolupdyr. Mesih diýen at ýahudylar tarapyndan ulanylyp başlanypdyr we olar muny Hudaýyň olara ibermegi wada beren Patyşasynyň ady üçin ulanypdyrlar. Bu Patyşa hemişelik höküm sürmelidi we Ysraýyly duşmanlaryndan halas etmelidi. Isa ynanýanlar we Oňa eýerýänler Isanyň Mesihdigine, Onuň ähli adamlary halas edip, Hudaýyň Şalygyny berkarar etmek üçin Hudaý tarapyndan saýlanyp iberilendigine ynanýarlar. Grekçe Mesih sözi «Hristos» diýmekdir.

Mat 1:1; Mar 8: 27-29; Luk 2:11; Ýoh 20:31; Res 18:28.

Seret: Hudaýyň ogly; Ýag guýmak.

**Mesopotamiýa** – gadymy döwürde Ýewfrat derýasynyň günbataryndan Tigris derýasynyň gündogaryna çenli bolan aralyk Mesopotamiýa diýlip atlandyrylypdyr. Babyllylar we assyriýalylar bilen birlikde köp gadymy medeniýetler bu ýerde başlanypdyr.

Gçk 24:10; 25:20; Res 2:9; 7:2.

**Meýletin sadaka** – bu dürli sebäpler üçin Hudaýa getirilen dürli görnüşli sadakalar bolupdyr. Meselem, adamlar meýletin ýag, ýakymly ysly tütetgi, geýim-gejim, agaç, kümüş we Mukaddes çadyryň gurluşygy üçin beýleki zatlary getiripdirler (Msr 35:20-29). Emma şahsy sebäpler üçin gurbanlyk ýa-da sadaka islendik görnüşde meýletin beripdirler.

Msr 35:29; 36:3; Lew 7:16.

**Mezmur** – Zebur kitabynda aýdymyň bir görnüşi. Birnäçe maksatlar üçin: Hudaýy şöhratlandyrmak üçin, halkyň betbagtçylygyna ýa-da şahsy ejir çekmelerine ýas tutmak üçin, patyşany bellemek, Hudaýa minnetdarlyk bildirmek, ybadathana barýarkaň şatlanyp aýdym aýtmak; Hudaýa ýalbaryp doga-dileg etmek üçin ýazylan aýdymlardyr. Bu aýdymlar Zebur kitabynda toplanandyr. Isanyň yzyna eýerýänler bir ýere üýşenlerinde, mezmur aýdypdyrlar.
Zeb 5:1; 18:1; Efe 5:19; Kol 3:16.

Seret: Zebur.

**Mäliksadyk** – Iýerusalimiň gadymy patyşasy we ruhanysy. Onuň ady «dogrulyk patyşasy» diýmegi aňladýar. Köne Ähtde Mäliksadyk Ybraýym pygambere duşýar we oňa pata berýär (Gçk 14:17-20). 109-njy mezmurda Mäliksadyk «müdimilik ruhany» diýlip atlandyrylýar we Ýewreýlere hat kitabynyň 5-nji babynyň 6-njy aýadynda Isa «Mäliksadyk derejesindäki» ruhany hökmünde tanyşdyrylýar. Isa Hudaýyň sagynda oturýan müdimilik Baş Ruhanydyr we Ol mesihiler üçin töwella edýär.

**Midýanlar** – Ybraýym pygamberiň ogly Midýanyň nesilleri (Gçk 25:1,2). Musa ömrüni Midýan ýurdunda geçiripdir, Midýan Sinaý ýarym adasynyň bir bölegi bolmagy ahmal. Serdarlar döwründe midýanlar ysraýyllaryň esasy duşmany bolupdyr. «Midýanlar» we «Ysmaýyllar» diýen sözler käte çalşyrylyp ulanylypdyr (Gçk 37:25-29).
Gçk 25:1,2; 37:25-29.

Seret: Ysmaýyl pygamber.

**Mikaýyl** – her milletiň özüniň serdar perişdesi bolupdyr diýen pikir bar, olaryň hereketleri öz milleti bilen bagly bolupdyr. Bu barada ilkinji gezek Danyýel pygamberiň kitabynda pars we grek serdarlarynyň perişdesi, şeýle hem Ysraýylyň serdary Mikaýyl perişde barada aýdylýar.
Dan 10:13,20; 12:1.

**Miktam** – Zebur kitabynda gabat gelýän aýdymyň görnüşi.
Zeb 15:1.

**Milletler** – Mukaddes Kitapda bu adatça ýahudy däl milletleri aňladypdyr. Ysraýyl halky Hudaý tarapyndan Onuň halky bolmak üçin saýlanypdyr, emma Hudaý ähli milletleriň halklarynyň halas bolmagyny we olaryň hem Öz halky bolmagyny isläpdir.
Lew 26:12; Efe 2:11-13.

**Millo** – toprak bilen doldurylan jaýryk ýa-da boşluk ýer. Käte bu söz galanyň diwaryna çykmak üçin gurlan ýapgydy aňladypdyr.
2Şam 5:9.

**Miras** – tutuş Kengan ýurdy Hudaý tarapyndan ysraýyllara müdimilik miras hökmünde söz berlipdir. Ýeşuwanyň döwründe ýer bije boýunça Ysraýylyň on iki tiresine paýlanyp berlipdir, şeýlelikde, her tiräniň öz ýeri bolupdyr we miras hökmünde nesilden nesle geçipdir. Muňa garamazdan, ysraýyl halky Hudaýyň Öz «mirasy» hökmünde suratlandyrylypdyr. Ine, şonuň üçin Hudaý bilen ysraýyl halkynyň arasyndaky ähte görä, Ol diňe olaryň Hudaýy bolupdyr, olar bolsa Onuň halky bolupdyr. Kim Isa ynanýan bolsa, onuň mirasy Hudaýyň Şalygydyr we baky ýaşaýyşdyr.
Msr 32:13; Ýeş 13:6-8; Zeb 33:12; Ýak 2:5.

**Molek** – ammonlaryň esasy hudaýy. Adamlar käte öz çagalaryny Molek hudaýyna gurbanlyk bermek bilen oňa sežde edipdirler. Hudaýyň kanuny bu adaty örän ýazgarsa-da, bir gezek hatda ysraýyl halky-da Iýerusalimiň golaýyndaky Hinnom jülgesinde ogul-gyzlaryny Molek hudaýyna hödür etdi.

Lew 18:21; 20:2-5; 1Pat 11:7; Ýer 32:35.

**Mowaplar** – Ybraýym pygamberiň ýegeni Lutuň nesilleri. Olar Öli deňziň gündogaryndaky Mowap ýurdunda ýaşapdyrlar. Mowaplar özleriniň esasy hudaýy hökmünde Kemoşa sežde edipdirler. Olaryň gepleşik dili ýewreý diline degişli bolupdyr. Olar Ysraýylyň duşmany bolupdyrlar we köplenç Ysraýylyň pygamberleri tarapyndan paş edilipdirler. Muňa garamazdan, Rut ak ýürekli mowaply aýal bolupdyr. Babyllylar mowaplary derbi-dagyn edipdirler.
Işa 15-16; Ýer 49; Zep 2:8-11.

**Mukaddes** – Töwratda «mukaddes» adaty maksatlar üçin däl-de, Hudaýyň maksatlary üçin aýry goýlan diýmegi aňladýar. Bu ruhanylara ýa-da ysraýyl halkyna, ýa-da Mukaddes çadyr we gurbanlyk sypasy ýaly zatlara degişlidir. Mukaddes edilen adamlar ýa-da zatlar päk saklanylmalydy. Mukaddes Kitapda mukaddes adamlaryň päkligine olaryň ahlak häsiýetleri hem degişli bolupdyr: «Özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň» (1Pet 1:15).
Msr 3:5; 16:23; 19:6; 25:8; Işa 6:3.

**Mukaddes çadyr** – Mukaddes çadyr Äht sypasyny we ybadat üçin beýleki enjamlary ýerleşdirmek üçin gurlan çadyrdyr. Tutuş gurluşa Mukaddes çadyr diýlipdir (1622-nji we 1628-nji sahypadaky suratlara seret). Mukaddes çadyryň içinde iki otag bolupdyr: mukaddes otag we iň mukaddes otag. Çadyr geçiniň ýüňünden edilendi we onuň diwarynyň iç tarapy owadan tutular bilen örtülendi. Onuň töweregi haýat bilen gurşalyp, daşyna haýat aýlanypdyr. Mukaddes çadyr bilen onuň howlusyna Hudaýyň mukaddes öýi diýlipdir. Ysraýyllar çarwa adamlar bolupdyrlar, şonuň üçin olar göçenlerinde, çadyry söküp alyp, öz ýanlary bilen äkidipdirler. Mukaddes çadyr Rebbe ýüz tutulýan çadyr hökmünde hem belli bolupdyr. Howluda Hudaýa sadakalar we gurbanlyklar hödür etmek üçin gurbanlyk sypasy, şeýle hem ruhanylar ýuwnar ýaly suwdan doly bürünç legen durupdyr. Öňki döwürdäki göçme mukaddes çadyr Süleýmanyň döwründe daşdan we agaçdan salnan ybadathana bilen çalşyrylypdyr.
Msr 26:1-35

Seret: Iň mukaddes otag; Mukaddes çadyr; Mukaddes öý; Rebbe ýüz tutulýan çadyr; Ybadathana. 1622-nji sahypadaky surata seret.

**Mukaddes çörek** –

Seret: Hödür çöregi.

**Mukaddes dag** – Iýerusalimdäki dag, ol ýerde ybadathana gurlupdyr we sežde edilipdir (adatça Sion dagy bilen meşhur bolupdyr).

Seret: Iýerusalim; Sion.

Zeb 2:6; 14:1; 98:9; Işa 27:13; Ýol 2:1-2.

**Mukaddes otag** – Mukaddes çadyrdaky otag, ol ýerde ruhanylar Hudaýyň huzurynda öz hyzmatlaryny ýerine ýetiripdirler. Mukaddes otagyň içinde ýakymly ysly gurbanlyk sypasy, çyradan, üstünde hödür çörekleri bolan hantagta bardy. Bu otag Iň mukaddes otagdan tuty arkaly bölünipdir. Süleýman çadyry ybadathana bilen çalşanda, bu otag daşky otag ady bilen, Iň mukaddes otag bolsa, içki otag ady bilen belli bolupdyr.
Msr 26:30-34; 1Pat 6:14-18

Seret: Iň mukaddes otag; Mukaddes çadyr; Mukaddes öý; Ybadathana.

**Mukaddes öý** – bu at Mukaddes çadyra we onuň haýadyna, soňrak bolsa ybadathana degişlidir. Ol ýerde ruhanylar Hudaýyň huzurynda öz hyzmatlaryny ýerine ýetiripdirler.

Msr 25:8; 36:1; Lew 19:30; 1ÝÝ 22:19; Zeb 23:3.

**Mukaddes Ruh** – Hudaýyň Ruhy bolup, Ol dünýäde gudrat arkaly hereket edýär. Köne Ähtde Hudaýyň Ruhy adamlara inip, olar pygamberlik edipdirler. Täze Ähtde Isa ynanýanlaryň hemmesi Mukaddes Ruhy kabul edýärler.
Eýp 33:4; 1Şam 19:20; Rim 8:15.

Seret: Ruh.

**Murdar** – gadymy Ysraýylda eger adam dini taýdan tämiz bolmasa, ol murdar hasaplanypdyr. Lewiler we Çölde kitaplarynda nähili adamyň murdar hasaplanýandygy beýan edilendir. Ysraýyllar Mukaddes öýde borçlaryny ýerine ýetirmäge başlanlarynda, Hudaý olara bu ýeri murdar etmezligi buýurdy. Isa adamy hakykatdan nämäniň murdar edýändigini, ýagny ýürekden çykýan erbet pikirleriň we hereketleriň murdar edýändigini öwredýär.
Lew 15:31; Ezk 5:11; Mat 15:11.

Seret: Tämiz.

**Musa pygamber** – Ysraýyllar Müsürde gulçulykda bolanlarynda, Musa pygamber olara baş bolmak üçin Hudaý tarapyndan çagyrylan adam. Ol Müsür patyşasyndan ysraýyllaryň gidip, çölde Rebbe ybadat etmekleri üçin rugsat bermegini soraýar. Ýöne faraon munuň bilen Reb diňe Müsür topragyna birtopar betbagtçylyklar inderenden soň ylalaşýar. Musa halka ençeme ýyllap çölde ýolbaşçylyk edýär, emma söz berlen Kengan ýurduny diňe uzakdan görüp bilýär. Mukaddes Kitabyň ilkinji bäş kitaby Töwrat hökmünde belli bolup, esasan, Musa tarapyndan ýazylandyr.

**Mut laben** – bu sözüň manysy barada alymlar jedelleşýärler. Onuň «Labeniň ölümi» diýen manyny aňladýan bolmagy mümkin we ol mezmuryň näme üçin ýazylandygynyň sebäbini görkezýär. Belki, ol mezmuryň nädip aýdym edip aýdylandygyny ýa-da nähili saz guralynda çalnandygyny görkezendir.
Zeb 9:1.

**Mür** – mür ösümligi gür tikenli we şahaly gyrymsy agaçdyr. Ýakymly ysly tütetgi onuň şahalaryndan alynýar we ol guranda gataýar. Ol örän gymmatbaha tütetgi bolup, atyr ýasamak üçin ýag bilen garylýar we jesedi jaýlamaga taýýarlamak üçin ulanylýar. Mürüň tagamy ajy bolupdyr. Bu agyryny ýeňilleşdirýär diýip hem ynanypdyrlar. Bu häsiýetleriň, belki, esgerleriň ony şeraba garyp, Isa berendikleri bilen bagly bolmagy hem ahmal (Mar 15:23).
Zeb 44:9; Sül 7:17; Nag 5:5.

**Mürze** – mürzäniň esasy käri resminamalaryň göçürmesini taýýarlamakdyr. Şeýle hem olar hatlary, kararlary we beýleki resminamalary ýazypdyrlar, olar paýhasly we düşünjeli hasaplanypdyr. Mürzeler ýazyp bilýändikleri üçin, käte maliýe ýazgylaryny hem saklapdyrlar. Mürzeler köplenç patyşa bilen ýakyndan işlänsoňlar, olaryň käbiri resminamalaryň göçürmesini ýerine ýetirmekligi we ýolbaşçy bolmaklygy gazanypdyr. Isanyň döwründe olar Töwrat mugallymlary hökmünde belli bir topary aňladypdyrlar.
2Pat 12:10; 25:9; Est 8:9; Ezr 7:6,10,11,21; Ýer 8:8.

## N

**Nadan** – Süleýmanyň pähimleri kitabynda nadan adam barada köp gürrüň edilýär. Nadan samsyk däl-de, eýsem Hudaýyň halaýan ýokary ahlak durmuşynda ýaşamaga paýhasy kemlik edýän adamdyr.
Kan 32:6; Sül 1:22; 7:7; 9:6.

**Nard** – nard ösümligiň sümmüli we onuň kökünden alynýan ysly ýagy bolupdyr. Narddan ýasalan hoşboý ysly ýag örän gymmat bolupdyr, onuň bahasy bir ýylyň iş hakyna barabar bolupdyr.
Nag 1:11; Mar 14:3.

**Nazyr** – nazyr mukaddeslik derejesini alan hem-de saç-sakgalyny syrman, saçyny ösdürip, şerap hem güýçli içgileri içmekden saklanyp, özüni Rebbe bagyş etmegi wada beren adam bolupdyr. Bir gudrat arkaly özüniň ýa-da Şimşon ýaly ejesiniň wadasy arkaly adam nazyr bolupdyr. Soňy bilen şeýle adam özüni Hudaýa bagyş etmek wadasy arkaly aýratyn derejä eýe bolupdyr.
13:5,7; 16:17 Amo 2:11.

**Nefiller** – Nefiller örän uzyn we güýçli adamlar bolupdyrlar, olar Gelip çykyş kitabynyň 6-njy babynda ylahy barlyklaryň we ynsan gyzlarynyň nesilleri hökmünde ýatlanyp geçilýär. Soňrak, ysraýyllar Kengan ýurduny gözden geçirmäge gidenlerinde, nefilleri (ýagny nefillerden gelip çykan anaklary) görüpdirler.
Gçk 6:4; Çöl 13:33.
Seret: Anaklar.

**Negep çöli** – Ysraýylyň günorta bölegindäki çöl.
Gçk 12:9; 13:1,3; 20:1.

**Nowbahar ogul** – gadymy günorta jemgyýetinde ilkinji doglan ogul üýtgeşik hasaplanypdyr. Ol ogul kakasy aradan çykandan soň, maşgalanyň başy bolupdyr, kakasynyň patasyny alypdyr, mirasdan iki esse paý alypdyr. Müsürde Pesah wakasy bolup geçenden soň, her bir nowbahar ogul Hudaýa degişli bolupdyr we maşgalasy oňa derek sadaka berip, ony yzyna satyn alyp bilipdir.
Gçk 49:3; 27; Msr 13:2; Kan 21:17.
Seret: Yzyna satyn almak.

**Nuh pygamber** – Nuh pygamber öz maşgalasyny, şeýle hem halal we haram haýwanlary halas etmek üçin Hudaý tarapyndan gämi gurmaklyga çagyrylan adam bolupdyr. Ol Hudaýyň nazarynda dogry saýylypdyr. Siliň suwlary çekilenden soňra, Hudaý onuň bilen äht edişip, mundan beýläk hiç wagt ýer ýüzüni sil bilen weýran etmejekdigine söz berýär.
Gçk 5:29; 6:8; Işa 54:9; Luk 17:27: 1Pet 3:20; 2Pet 2:5; Ýew 11:7.

## O

**Omyn** – köplenç doga-dilegler edilende, ony jemlemek üçin ulanylýar. «Omyn» sözi «Goý, şeýle bolsun!» diýmegi aňladýar. Bu ýewreýçe «Bu hökman» diýen söze esaslanýar.
Çöl 5:22 Kan 27:15-26; Rim 1:25.

**Ondan biri** – gadymy Ysraýylda hasylyň ondan biri Rebbe berlipdir. Muny ammarlara ýygnap, ruhanylaryň we lewileriň iýmiti üçin harçlapdyrlar. Isanyň döwründe adamyň öndüren önüminden ýa-da girdejisinden ondan biri ybadathana ruhanylaryna berlipdir.
Çöl 18:21; Kan 14:22.

## Ö

**Ölüler dünýäsi** – gadymy Ysraýylyň halky Ölüler dünýäsi ýeriň aşagynda diýip düşünipdir, emma ol dowzah däldir. Her kes ölenden soň, ol ýere inipdir. Ol ýer ümsüm, garaňky ýer bolupdyr. Gojalyk ýaşyna ýetip öleniňden soň, ata-babalaryňa gowuşmak oňatdy, ýöne ýaş ölmek gowy däldi. Ýakup öz ogly Ýusup üçin ýas tutsa-da, ölüler dünýäsine inmek islemedi. Bu ýere Heläkçilik ýeri hem diýlipdir.
Gçk 37:25; 42:38; 44:29,31.

**Öý butlary** – öý butlaryna butparazlar, kä halatda ysraýyllar tarapyndan

sežde edilipdir. Olar öýlerde saklanyp, keramatly saýylypdyr.
Gçk 31:19; 2Pat 23:24.

## P

**Pars imperiýasy** – Babyl imperiýasyndan soň emele gelen güýçli we has uly imperiýa bolupdyr. Pars imperiýasy Gresiýadan Müsüre çenli we Orta Aziýa çenli ýerleri, şol sanda Ysraýyly hem basyp alypdyr. Käte bu imperiýa «Madaý-Pars imperiýasy» diýip atlandyrylypdyr, sebäbi onuň düzümine giren madaý milleti imperiýany dolandyrmakda wajyp orny eýeläpdir. Pars kanunlary «Parslaryň we madaýlaryň kanunlary» diýip atlandyrylypdyr.
Est 1:19; Dan 6:8,12,15.
Seret: Madaý.

**Parz** –
Seret: Kanun.

**Pata** –
Seret: Ýalkamak.

**Patros** – Müsüriň günorta bölegi.
Işa 11:11; Ýrm 44:1, 15; Ezk 29:14; 30:14.

**Perişde** – perişdeler adamlar üçin Hudaýyň habarçylary we wekilleridirler. Olar Hudaýyň huzurynda ýaşap, hemişe Ony alkyşlaýarlar. Keruplar we Seraflar perişdeleriň bir görnüşidirler. Mukaddes Kitapda iki sany möhüm perişdäniň: Mikaýyl bilen Jebraýylyň ady agzalyp geçilýär.
Gçk 3:24; 16:7-11; Işa 6:2.
Seret: Jebraýyl; Mikaýyl.

**Perizler** – Ysraýyl halky Kengan ýurduny eýelemezden öň, ol ýerde ýaşan halklaryň biri.
Gçk 13:7; Ýeş 3:10.

**Perman** –
Seret: Kanun.

**Pesah baýramy** – ýewreýleriň senenamasy boýunça birinji aýyň, ýagny Abyp (beýleki ady Nisan) aýynyň on dördünji güni agşam bellenilipdir. Bu bahar paslynyň yz ýanynda bolupdyr. Şol agşam ysraýyl halky Hudaýyň özlerini Müsür gulçulygyndan nähili halas edendigini we Müsürden gaýtmazynyň öň ýanynda agşam gurbanlyk janlysynyň gany arkaly öz nowbahar ogullarynyň nähili azat bolandygyny ýatlapdyrlar. Adamlar guzy ýa-da geçi soýup, hemmesi bilelikde Pesah naharyny iýipdirler, ony ajy gök otlar we petir bilen iýipdirler.
Msr 12:1-13,21-51; Lew 23:5; Çöl 9:1-14, Kan 6:1-7.

**Petir baýramy** – ýewreýleriň senenamasy boýunça birinji aýyň, ýagny Abyp (beýleki ady Nisan) aýynyň on bäşinden ýigrimi biri aralygynda bellenilipdir. Bu baýram Pesah baýramynyň yz ýany başlapdyr, Köne Ähtiň käbir parçalarynda bu iki baýram bir baýram ýaly görkezilipdir. Şol hepdäniň dowamynda ysraýyl halky özlerini Müsür gulçulygyndan Hudaýyň nähili alyp çykandygyny ýatlapdyrlar. Adamlar öýlerinden ähli hamyrmaýalary çykaryp zyňypdyrlar, hamyrmaýaly çörek iýmändirler. Olar baýramyň birinji we ýedinji günleri mukaddes ýygnanyşyk edip, Hudaýa gurbanlyklar hödürläpdirler.
Msr 12:14-20; 13:3-10; 23:15; 34:18; Lew 23:6-8; Çöl 28:17-25; Kan 16:3-4,8.

**Pilat** – Isanyň öwreden we wagyz eden günlerinde Pontiý Pilat Ýahudanyň üstünden höküm süren Rim imperatorydyr.
Mat 27; Res 3:13.

**Piliştliler** – b. e. öň XIII asyryň ahyrlarynda Ysraýylyň günorta-günbataryndaky kenarýaka zolagyny eýelän halk. Piliştliler bäş sany şäheri: Gazany, Aşkelony, Aşdody, Gaty we Ekrony esaslandyrypdyrlar. B. e. öň XII asyrda olar ýer çäklerini gündogar

tarapa giňeldip başlaýarlar. Bu ýagdaý Kengan tarapdan öz çäklerini günbatara giňeldýän ysraýyl halky bilen piliştlileriň arasynda duşmançylyk döredipdir. Şeýlelikde, hezreti Dawut patyşa tarapyndan doly derbi-dagyn edilýänçäler, piliştliler Ysraýylyň esasy duşmany bolupdyrlar.
2Şam 8:1; 1ÝÝ 18:1.

**Purym baýramy** – bu baýram ýewreý halkynyň durmuşyna Pars imperiýasy döwründe goşulypdyr. Bu ýewreýleriň senenamasy boýunça on ikinji aýyň, ýagny Adar aýynyň on dördüne we on bäşine, irki baharda bellenilipdir. Bu iki günüň dowamynda ysraýyl halky Esteriň döwründe özleriniň doly ýok edilmekden Hudaýyň nähili halas edendigini ýatlapdyr. Olar şatlanypdyrlar, iýip-içipdirler we biri-birilerine sowgat beripdirler.
Est 9:20-32.

**Pygamber** – Hudaýyň habaryny halka ýetirmek üçin Hudaý tarapyndan çagyrylan adam. Ylýas ýaly irki pygamberler (Görgürler) Hudaýa sygynýan topar bolup, käte olarda üýtgeşik tejribe bolupdyr we täsin gudratlar görkezipdirler. Şamuwel pygamber özüni köplenç serdar hökmünde alyp barypdyr. Soňrak Ýermeýa ýaly pygamberlere Hudaýdan aýanlyk inipdir we olar bu aýanlyklary halka ýetiripdirler.
1Şam 3:20; 9:9; 10:5-11; 1Pat 17 – 18; Ýer 1:5.

**Pygamberlik etmek** – Hudaýyň halka niýetlän habaryny oňa ýetirmek. Bu habarlar köplenç aýanlyklaryň we düýşleriň üsti bilen berlipdir. Gadymyýetdäki pygamberleriň döwründe bu söz pygamberiň aşa joşgunlyk ýagdaýyny beýan etmekde hem ulanylypdyr.
1Şam 10:5f; Ýer 2:8.

Seret: Aýanlyk; Pygamber.

## R

**Rabbi** – ýewreýler akylly we wajyp adamlara ýüzlenenlerinde, «Rabbi» sözüni ulanypdyrlar, bu mugallym diýmegi aňladýar. Bu sylag-hormaty aňladýan sözdür. «Rabbuni» diýen söz hem şu manyny aňladýar.
Ýoh 1:38; 3:2; 20:16.

**Rahap** –

Seret: Aždarha.

**Rapalar** – Ysraýyl halky basyp almazdan öň, Kenganda ýaşan halklaryň biri. Anaklar ýaly olar hem örän uzyn we daýaw adamlar bolupdyrlar.
Kan 2:11, 20; Ýeş 12:4.

Seret: Anaklar; Kengan.

**Reb** – gadymy wagtlarda Hudaýyň adyny aýtmakdan saklanmak üçin ýahudylar Oňa «Adonaý» diýip salgylanypdyrlar, bu eýe ýa-da hojaýyn diýmegi aňladypdyr. Köne Ähtiň türkmençe terjimesinde Hudaýyň ady Reb sözi bilen terjime edildi, sebäbi bu hem aga ýa-da eýe diýmegi aňladýar. B. e. öň III asyrda Köne Äht grek diline terjime edilipdir we «kurios» diýen grek sözi Hudaýyň ady üçin ulanylypdyr. Soňra Täze Äht ýazylan wagtynda şol bir «kurios» sözi Isa Mesih üçin ulanylypdyr we köplenç Reb diýlip terjime edilipdir.

**Rebbe hödür edilen çörek** –

Seret: Hödür çörek.

**Rebbe ýüz tutulýan çadyr** – şeýle hem bu ýere Mukaddes çadyr hem diýlipdir, bu ýerde ruhanylar öz borçlaryny ýerine ýetiripdirler. Muňa Rebbe ýüz tutulýan çadyr diýilmeginiň sebäbi Hudaý ruhanylara we adamlara çadyryň girelgesinde gepläpdir (Msr 29:42-43). Şeýle hem Musa Hudaý bilen bu ýerde duşuşypdyr (Msr 33:7-11).
Msr 29:42-43; 33:7-11.

**Rebbiň güni** – adatça şol gün keseki milletler üçin jeza güni, Hudaýyň saýlan halky üçin bolsa aklanma ýa-da hasaplaşyk güni diýlip pikir edilipdir. Muňa garamazdan, pygamberler şol gün ysraýyllaryň hem günäleri üçin jezalandyrylljakdygyny olara duýdurypdyrlar. Täze Ähtde Rebbiň güni kazylyk etmäge we Öz halkyny halas etmäge Isanyň geljek günüdir.
Ýer 46:10; Amo 5:17-27; 1Sal 5:1-9.

**Rebbiň öýi** – bu söz Ybadathanany aňlatmak üçin ulanylypdyr.
1Pat 3:1; Mik 4:1.
Seret: Ybadathana.

**Rebbiň saçagy** – bu gurbanlyk sypasy üçin başga söz bolup, diňe Malaky kitabynda ulanylýar. Täze Ähtde bu saçak ýygnak agzalarynyň bir ýere üýşüp, nahar iýip, Isanyň ölümini we täzeden direlmegini ýatlamaklaryny aňladypdyr.
1Kor 11:17-33.

**Resullar** – Isa Özüniň ýakyn ýoldaşlaryndan, tanyş şägirtlerinden on iki sany resuly saýlaýar. Ol adamlar Onuň bilen bilediler we Isa olara ähli zady öwredipdir; olar Isanyň ölenini we täzeden direlenini öz gözleri bilen görüpdirler. Isa olary gören zatlaryny gürrüň bermekleri üçin we Hudaýyň Şalygy barada wagyz etmekleri üçin adamlaryň arasyna iberýär. Olar Isa ynanýan adamlaryň ýolbaşçysy bolýarlar.
Mar 3:14; Luk 22:14; Res 1:2; 1Kor 15:7.

**Rimliler** – Rim imperiýasynyň ilaty. Rimliler Isanyň ýaşan döwründe Demirgazyk Afrikanyň käbir böleklerinde we Orta Gündogarda, häzirki tutuş Türkiýäniň we Ýewropanyň köp böleklerinde höküm sürdüler.
Res 28:17.

**Ruh** – ýewreýçe «ruh» diýen söz şemal diýmegi, şeýle-de adamzadyň ruhuny we Hudaýyň Ruhuny aňladypdyr. Täze Ähtde şeýtan tarapyndan ynsanyň kalbyna ornaşýan erbet ruh barada hem gürrüň edilýär. Isa adamlardan bu erbet ruhlary kowup çykardy.
Seret: Mukaddes Ruh.
Gçk 1:2; Msr 15:8; 1Şam 10:6,10; Ýol 3:2; Mat 12:45; Mar 9:25; Luk 11:26; 13:11; Res 16:16.

**Ruhany** – ol dini dessurlary we hyzmatlary ýerine ýetirmäge aýratyn ukyply adam bolupdyr. Ysraýyl halkynyň arasynda Musa pygamber arkaly berlen kanuna görä, Musanyň agasy Harun pygamberiň nesli ruhany bolupdyr, olar Mukaddes öýde, soňrak bolsa Iýerusalimdäki ybadathanada hyzmat etmäge saýlanypdyrlar. Olar sežde etmäge, sadakalar bermäge, dini dessurlary we baýramlary bellemäge ýolbaşçylyk edipdirler. Ruhanylaryň işleri lewiler tarapyndan paýlanypdyr. Mukaddes otaga, soňrak ybadathana girmäge diňe ruhanylara rugsat edilipdir.
Gçk 41:45; Msr 19:6; 30:30.
Seret: Baş ruhany; Lewiler; Mukaddes öý.

## S

**Sabat güni** – bu ýewreýlerde hepdäniň ýedinji güni bolup, dynç almak üçin aýratyn gün hasaplanypdyr, bu anna güni Gün ýaşandan başlap, şenbe güni Gün ýaşanda tamamlanypdyr. Ol gün mukaddes gün saýylyp, hiç bir iş edilmändir. Isanyň döwründe ýahudylaryň Sabat gününe degişli köp düzgünler bolupdyr.
Gçk 2:3; Msr 16:23; Lew 16:31.

**Sadaka** – Özüniň buýruşy ýaly, Rebbe sadaka hökmünde ysraýyllar ruhanylara galla, miwe, ýag, şerap, çörek, mal-garalar, pul, şaý-sep, egin-eşik, altyn-kümüş getiripdirler. Eger halk dogry ýaşamasa, olaryň sadakasyny Rebbiň kabul

etmejekdigini pygamberler olara duýdurypdyrlar (Işa 1:10-17).

Seret: Galla sadakasy; Gurbanlyklar; Içgi sadakasy; Meýletin sadaka.

**Saddukeýler** – Saddukeýler ýahudylaryň arasynda ýokary derejeli, baý adamlar bolupdyrlar we ýewreý mejlisinde oturypdyrlar. Olar halkyň Hudaý tarapyndan Musa berlen kanuna eýermelidigine ynanypdyrlar, ýöne soňrak bu kanunlara goşulan düzgünlere we adatlara ynanmandyrlar. Olar adamyň ölenden soň direlýändigine ynanmandyrlar. Şonuň üçin hem olar fariseýler bilen köplenç şu meseleler barada dawalaşypdyrlar.
Mat 16:1; Mar 12:18; Res 4:1.

Seret: Fariseýler; Mejlis.

**Salamatlyk gurbanlygy** – bu gurbanlyk haýsam bolsa bir gowy zat üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirmek üçin berlipdir, şeýle hem Hudaýa aýdylan sadaka ýa-da meýletin sadaka hökmünde berlipdir. Mal öldürilenden soň, onuň bir bölegi gurbanlyk sypasynyň üstünde ýakylypdyr, beýleki bölegi gurbanlyk berýän adamyň maşgalasy we ruhany tarapyndan iýlipdir.
Lew 3:1-17; 1Pat 9:25.

**Salgytçy** – Isanyň döwründe salgytçylar ýahudylary basyp alan we zorluk bilen olaryň üstünden höküm sürýän Rim imperiýasy üçin işläpdirler. Şonuň üçin ýahudylar salgytçylary ýigrenipdirler. Munuň üstesine-de salgytçylar köplenç özlerine almak üçin, adamlardan almalysyndan köp pul talap edipdirler.
Mat 9:10; 10:2-4; 21:31; Luk 18:8.

**Salim** – Iýerusalimiň gysga ady.
Gçk 14:18; Zeb 75:3.

**Samariýa** –

1. B. e. öň IX asyrda Omry patyşa demirgazyk ysraýyl tireleriniň paýtagt şäheri hökmünde Samariýany berkarar edipdir.

2. Isanyň döwründe hem şäheriň ýerleşen ýeri bolan rim etrabynyň ady bolupdyr.

1Pat 13:32; 16:24; 2Pat 17:24.

Seret: Ysraýyl.

Karta seret.

**Sara** – Sara Ybraýym pygamberiň aýaly bolupdyr. Onuň ady aslynda Seraý bolupdyr, emma Hudaý oňa Sara adyny beripdir. Ol önelgesizdi, emma ahyrsoňunda, garrylyk ýaşynda Hudaýyň gudraty bilen bir ogul dogrupdyr.
Gçk 17:15.

**Sežde edilýän ýeriň azgyn aýallary ýa erkekleri** – aýallar (käte erkekler) Kengan hudaýlaryna sežde edilýän ýerlerde pul tölän adam bilen jyns gatnaşygyny edipdirler. Olar beýle etmeklik topragyň bol hasyl getirmeginiň kepili diýip pikir edipdirler. Kengana ýaşamaga gelen ysraýyllar hem olardan görelde alyp, özleriniň seždegählerinde bu işi edipdirler.
1Pat 14:24; 15:12; 22:46; 2Pat 23:7; Hoş 4:14.

**Sežde etmek** – gadymy döwürde ysraýyllar Rebbe sežde etmek üçin özlerini tämizläpdirler, doga-dileg edipdirler, mezmurlary aýdym edip aýdypdyrlar, ruhana sadaka getiripdirler. Bularyň käbiri özbaşdak, ýa-da maşgala bilen, ýa bolmasa uly topar bolup ýerine ýetirilipdir. Käbirileri muny öýde, başga birileri bolsa sežde edilýän ýerde berjaý edipdirler. Ysraýyllar Rebbe islendik ýerde sežde edipdirler, ruhanynyň ýolbaşçylygynda Hudaýyň halky hökmünde ysraýyllardan hemmesiniň bilelikde sežde etmekleri talap edilende olar üçin ýörite günler we baýramlar bellenilipdir. Ysraýylyň tutuş taryhy boýunça olaryň sežde etmeklerine başga milletler ters täsir edipdirler, meselem, olar but ýasamak bilen Hudaýyň gaharyny getiripdirler.

Gçk 22:5; Msr 3:12; Zeb 5:8; Işa 44:15

Seret: Hyzmat etmek.

**Seždegäh** – Kengan dinine uýýanlaryň sežde edýän ýeri ýa-da keramatly ýeri: Aşera butlary dikilipdir we olara gurbanlyklar berlipdir, şeýle hem topragyň her ýyl bol hasyl bermegi üçin loluçylyk edilipdir. Olar adatça beýik depelerde, şeýle hem uly agaçlaryň aşagynda, baýyrlarda, başga ýerlerde loluçylyk edipdirler. Bu işler hemişe Reb tarapyndan pygamberler arkaly paş edilipdir.

Seret: Aşera.

Lew 26:30; 1Pat 3:2-4; 2Pat 23:1-28; Ýer 7:31.

**Sela** – Zeburda ulanylýan söz. Manysy belli däl, belki, sazyň dowamyndaky säginme bolmagy ahmal.

Zeb 3:1.

**Seraflar** – ganatly perişdeler. Işaýa pygamber Hudaýyň täjiniň daşyndan pyrlanýan seraflary görüpdir we şeýle diýip jar edipdir: «Hökmürowan Reb mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir» (Işa 6:3). Ýewreýçe bu söz «ýanýanlar» diýmegi aňladýar.

Seret: Kerup; Perişde.

Işa 6:2,6.

**Serdar** – Hudaý tarapyndan saýlanan ýolbaşçylar. Serdarlar patyşa bolmazdan öň, öz duşmanlary bilen uruşmakda ysraýyl halkyna ýolbaşçylyk edipdirler. Şeýle hem olar Hudaýyň islegini halka ýetiripdirler we kazy hökmünde dawa-jenjelleri çözüpdirler.

Çöl 25:5; Ser 2:16; Rut 1:1; 1Şam 7:6.

**Sidon** – bu şäher häzirki Liwanyň kenarynda ýerleşipdir. Mukaddes Kitabyň döwründe ol söwdanyň we agaç ussaçylygynyň merkezi bolupdyr, bu şäher köp asyrlaryň dowamynda dürli halklar, ýagny babyllylar, grekler, rimliler tarapyndan basylyp alnypdyr.

Seret: Finikiýa.

**Sinagoga** – sinagoga ýahudylaryň, adatça, Sabat güni ýygnanyşýan ýeri bolupdyr, olar doga-dileg etmek üçin, okalýan Töwradyň aýatlaryny we Hudaýyň kanunynyň düşündirilişini diňlemek üçin üýşüpdirler. Täze Äht döwründe sinagogalar ýahudy jemagatynyň bar ýerinde, tutuş Rim imperiýasynda bolupdyr.

Mat 4:23; Mar 1:39; Luk 4:16; Ýoh 9:22; Res 9:2.

1629-njy sahypadaky surata seret.

**Sinaý** – bu dagyň beýleki ady Horepdir. Musa ýüzüne On Tabşyryk ýazylan ýasy daşlary almak üçin bu daga çykypdyr.

Msr 19:18; 24:16; 31:18; Zeb 67:18.

Seret: Horep.

**Sion** – Iýerusalimde ybadathana gurlan depe.

2Şam 5:7; 2Pat 19:31; Zeb 9:11; Işa 35:10

Seret: Sion gyzy.

**Sion gyzy** – bu söz goşgy stilinde ulanylyp, Iýerusalimiň ilatyny aňlatmak üçin ulanylypdyr.

Zeb 9:14-15; Işa 1:8; Lam 1:6; Mik 4:8.

Seret: Sion.

**Sodom** – Sodom Lut bilen onuň maşgalasynyň ýaşan şäheriniň ady. Sodom bilen Gomoranyň halky köp nejis işleri edipdirler, şonuň üçin Hudaý bu şäherleri ýakyp weýran edipdir.

Gçk 13:12; 18:16; Mat 10:15; Ýhd 1:7.

**Söweş arabasy** – bir ata ýa-da birden köp ata dakylan iki tigirli araba bolup, ol söweş üçin ulanylypdyr, köplenç onuň üstünde iki sany söweşiji adam bolupdyr, olaryň elinde ok-ýaýy ýa-da naýzasy bolupdyr.

Msr 14:6; Ýeş 17:16; 1Şam 13:5; 2ÝÝ 1:14.

1625-nji sahypadaky surata seret.

**Stoik taglymatçylar** – Zino filosofyň yzyna eýerijiler. Zino adamlara öz durmuşyna özleriniň hökümdarlyk etmegini

öwredipdir we ýaşaýşy hiç hili lezzetiň ýa-da agyrynyň täsiri ýetmezden kabul etmegi nygtapdyr.

Res 17:18.

**Sur** – aýlagda ýerleşýän gadymy Finikiýanyň bir şäheri bolupdyr, ol häzirki wagtda Liwanyň bir bölegidir. Sur baý şäher bolup, ol täjirçilikde we matalary gök reňke boýamakda meşhur bolupdyr.

Seret: Finikiýa.

**Surnaý baýramy** – Ol ýewreýleriň senenamasy boýunça Tişri aýynyň birine (muňa Etanym aýy hem diýipdirler), ýagny ýedinji aýda bellenilipdir. Bu güýz paslynyň irki döwründe bolupdyr. Şol gün ysraýyl halky işlemän dynç alypdyr. Olar ýygnak üçin bile üýşüp, surnaýlar çalypdyrlar we bellenen gurbanlyklary hödürläpdirler.

Lew 16; 23:26-32; Çöl 29:7-11.

**Suwa çümdürmek** – Ýahýa ýahudylary günälerine toba edendikleriniň nyşany hökmünde Iordan derýasynda suwa çümdürip çykarypdyr. Irki mesihiler täze iman eden adamlary islendik suw bar bolan ýerde olary suwa çümdüripdirler, bu olaryň indi Mesihiň şägirtleridigini görkezmek üçin edilipdir.

Mat 3:11; Res 1:5; 8:12.

**Süleýman pygamber** – Dawut pygamberiň ogly, ol Dawut ölenden soň patyşa bolýar. Ol Iýerusalimde ilkinji ybadathanany gurupdyr, ysraýyl halkynyň güýjüni we şöhratyny gazanypdyr, şeýle hem köp sanly salgytlar, esgerler, söweş arabalaryny, aýallar edinipdir. Ol aýallar babatda gowşakdygyna garamazdan, tutuş ýer ýüzünde iň akylly adam saýylypdyr.

2Şam 5:14; 12:24; 1Pat 1:39; 4:29-34; 10:1; 11:1-6.

Seret: Dawut pygamber.

**Sünnet** – sünnet Hudaý bilen Ybraýym pygamberiň nesilleriniň, ýagny ysraýyllaryň arasyndaky ähtiň nyşany bolupdyr. Bu olaryň indi Hudaýyň halky bolandyklarynyň we Hudaýyň taglymatyna tabyn boljakdyklarynyň nyşanyny görkezipdir. Sünnet kanuna görä, oglanjyklar sekiz günlükkä ýerine ýetirilipdir. Resullaryň döwründe mesihileriň arasynda asly ýahudy dälleri sünnet etmek barada uly jedel bolupdyr. Pawlus munuň bilen razylaşmandyr. Ol bu barada Galatýa ýazan hatynda, şeýle hem beýleki köp hatlarynda ýazypdyr. Ol Isa Mesih arkaly Hudaý Özi üçin täze adamlary ýaradandygyny aýdýar we onuň agzasy bolmak üçin talap edilýän ýekeje zat, ol hem Isa Mesihe iman etmekdir diýýär. Suwa çümdürilmek indi Hudaýyň halkyna degişlidigiň nyşanydyr, Isa Mesihe iman etmek arkaly Mukaddes Ruhuň güýji we merhemeti bilen Hudaýa tabyn bolmak islegidir.

Gçk 17:10; Lew 12:3.

**Sünnetsizler** – bu söz Hudaýyň Ybraýym pygamber bilen eden ähtine degişli bolmadyk adamlary aňladypdyr. Isanyň döwründe bu söz esasan ýahudy dällere degişli bolupdyr.

Seret: Milletler.

**Sürgün** – Mukaddes Kitapda bu söz ýahuda halkynyň b. e. öň 586-njy ýylda (Ýohaýakym patyşasy üçin b. e. öň 597-nji ýyl) toparlaýyn Babyla sürgün edilendigi suratlandyrylypdyr. Ýahudalar ol ýerde pars imperiýasy Babyl imperiýasyny basyp alýança ýaşapdyrlar, soňra Kureş patyşasy ýahudalara Iýerusalim topragyna dolanmaga rugsat edipdir.

2Pat 19.

**Sypa** – gadymy Ysraýylda iki dürli sypa bolupdyr, birinjisi dürli görnüşli sadakalary hödürlemek üçin we haýwanlary soýup, ýakma gurbanlygy hökmünde bermek üçin ulanylypdyr. Ikinjisi bolsa ýakymly ysly tütetgi üçin ulanylypdyr.

1. Iň irki gurbanlyk sypasy palçykdan ýa-da daşdan, soňrak bolsa agaçdan we bürünçden ýasalypdyr (Msr 13:19-20 20:24,25;). Gurbanlyk sypasy howluda mukaddes çadyryň daşynda goýlupdyr (Msr 27:1-12). Ybadathana gurlanda, ullakan gurbanlyk sypasyny ybadathananyň howlusynda goýupdyrlar (2ÝÝ 4:1).

2. Tütetgi sypasy agaçdan ýasalyp, sap altyna örtülipdir (Msr 30:1-10). Her gün irden we agşam ruhanylar Hudaýa sadaka hökmünde ýakymly ysly tütetgi tütedipdirler. Olaryň ikisi hem Mukaddes çadyrda we Ybadathanada Iň mukaddes otagy mukaddes otagdan bölüp duran tutynyň öňünde ýerleşdirilipdir (Msr 26:33).

Seret: Mukaddes çadyr; Ybadathana.

1620-nji, 1621-nji we 1627-nji sahypadaky suratlara seret.

### Ş

**Şeminit** – sazyň ady bolmagy ähtimal.
1ÝÝ 15:21.

**Şeýtan** – Ol Hudaýyň we Oňa uýýan wepaly adamlaryň duşmany bolupdyr. Onuň ady «günäleýji» diýmegi aňladypdyr. Şeýle hem ony iblis, jynlaryň hökümdary we bu dünýäniň hökümdary diýip atlandyrypdyrlar. Onuň pis işini Eýýup kitabynda görmek bolýar; Isa Öz sözleri we beýik gudratlary bilen şeýtandan üstündigini görkezýär.
Eýp 1; Mat 4:3; Mar 3:23; Luk 13:16; Aýn 2:20.

**Şigaýon** – sazyň ady bolmagy ähtimal.
Zeb 7:1.

**Şöhrat** – Hudaýyň şöhraty Mukaddes Kitapda käte ýagty şöhle ýa-da ot hökmünde, ýa bolmasa bulut hökmünde suratlandyrylýar. Adamlar Onuň şöhratyny çölde sežde edilýän ýerlerde, perişdeler peýda bolanda görüpdirler. Dünýäniň ahyrynda Isa dolanyp gelende, Hudaýyň şöhratyna beslenip geler.
Gçk 45:13; Msr 16:7, 10; 1Şam 4:21; Işa 6:3; Hoş 4:7; Hab 2:14.

### T

**Tabşyryk** –
Seret: Kanun.

**Tegelek howuz** – bürünçden ýasalan uly howuz. Ol ybadathananyň howlusynda goýlup, içi suwdan doldurylypdyr we ruhanylar ondan ellerini we aýaklaryny ýuwupdyrlar.
1Pat 7:23-26; 2ÝÝ 4:2-6,10.

**Tämiz** – Ysraýyllara tämiz bolmalydyklary aýdylypdyr, sebäbi olar Hudaýyň halkydy we Hudaý mukaddesdir (Lew 11:44). Tämiz bolmak üçin olar haram hasaplanýan zatlardan daşda bolmalydylar we ýygy-ýygydan ýuwnup durmalydylar; şeýle hem olary ruhany tarapyndan tämizlemek gerekdi (Lew 14:1-7). Bir adamyň günäsi bilen tutuş halk tämiz bolman bilýärdi (Ýeş 22:17). Öýleri we zatlary hem tämizlemek gerekdi (Lew 14:33-53). Mukaddes Kitap hiç kimiň öz ýüregini tämiz saklap bilmejekdigini öwredýär, şonuň üçin hem adamlara Hudaýyň merhemeti we bagyşlamagy gerek (Sül 20:9).
Seret: Käkilik oty; Murdar.

**Täze Aý baýramy** – ýewreýler täze Aýyň peýda bolmagyny her aýda uly baýram edip belläpdirler. Olar bu güni surnaý çalmak bilen we ýakma gurbanlygyny hödür etmek bilen belläpdirler.
Çöl 29:6; Ezr 3:5; Zeb 81:3.

**Täze Äht** – bu dört Hoş Habardan, resullar tarapyndan ýazylan dürli hatlardan we Aýanlyk kitabyndan ybarat.

**Töwrat** –
1. Hudaý tarapyndan Musa pygambere berlen Mukaddes Kanun.

2. Bu Kanundan ybarat bolan Köne Ähtiň ilkinji bäş kitaby (Gçk – Kan). Bir gezek, Ýoşyýa patyşanyň şalyk süren döwründe ybadathanada Töwrat tapylýar. Bu bolsa öňki patyşalaryň käbirileriniň munuň bardygyndan bihabardyklaryny aňladýar.

Seret: Kanun.

2Pat 22:8-10; Mat 5:18.

**Töwrat mugallymy** – Isanyň döwründe Töwrat mugallymlary kanundan oňat baş çykarypdyrlar we sinagogalarda okadypdyrlar. Olar ýewreýleriň baş mejlisinde wekilçilik etmek bilen güýçli topar bolupdyrlar. Biziň Ezra kitabyndan görşümiz ýaly, olaryň topary mürzelerden gelip çykypdyr, mürzeler ýazgylary we resminamalary ýazypdyrlar, emma asyrlaryň geçmegi bilen olar hem ýewreý kanunyndan ökde baş çykarypdyrlar, sebäbi olar ony düýrlenen kagyza göçüripdirler we ony doly jikme-jik bilipdirler.

Mat 2:4; 7:29; Luk 6:7; Ýoh 8:3.

Seret: Mürze.

**Tuty** – owadan bezelen tuty çadyrda, soňrak bolsa Iýerusalimdäki ybadathanada Iň mukaddes otagy mukaddes otagdan bölüpdir. Bu tutudan geçmäge ýylda bir gezek, Günäden saplanma güni diňe baş ruhana rugsat edilipdir.

Msr 26:31-33; 2ÝÝ 3:14.

Seret: Mukaddes çadyr.

**Tütetgi** – tütetgi dürli görnüşli ösümliklerden we agaçlardan alnypdyr we olar kesilende, ýakymly ys beripdir. Olar çalt gatapdyr we böleklere bölünipdir ýa-da owranypdyr. Tütetgi ýakylypdyr ýa-da ýag bilen garylyp, dürli maksatlar üçin ulanylypdyr. Köne Äht döwründe ruhany tütetgini gurbanlyk sypasynda mukaddes çadyrda, soňrak ybadathanada tütedipdir. Ysraýyl halkyna muny galla bilen garyp, sadaka hökmünde getirmek hem buýrulypdyr.

Msr 30:1-8; 34-38; Lew 1:1; 16:12; Mat 2:11; Luk 24:1.

Seret: Ladan; Mür.

**Tütetgi sypasy** –

Seret: Sypa.

## U

**Urym we Tummym** – Urym we Tummym Hudaýyň islegini aýan etmek üçin ulanylypdyr. Olar baş ruhanynyň gursakçasynda saklanypdyr.

Msr 28:30; Lew 8:8; Kan 33:8.

Seret: Efot; Gursakça.

## Y

**Ybadathana** – Süleýman patyşa Iýerusalimde ilkinji ybadathanany gurupdyr (1Pat 6-7; 2ÝÝ 2-4). Babyllylar bu ybadathanany weýran edipdirler we onuň ähli gymmatbaha zatlaryny Babyla äkidipdirler. Käbir ýahudylar Babyl sürgünliginden dolanyp baranlaryndan soň, bu ybadathana b. e. öň 520 – 515-nji ýyllarda täzeden gurlupdyr. Hirod patyşanyň hökümdarlyk eden döwründe (b. e. öň 37-nji ýylyndan b. e. 4-nji ýylyna çenli) bu ybadathana ulaldylyp, has-da owadanlaşdyrylypdyr. Biziň eýýamymyzyň 70-nji ýylynda ybadathana rimliler tarapyndan weýran edilipdir we hiç haçan täzeden dikeldilmändir.

1Pat 5:5; 6:2 2Pat 25:8-17; Ezk 40-46; Neh 8.

Seret: Mukaddes öý.

1622-nji sahypadaky surata seret.

**Ybraýym pygamber** – Ysraýyl halkynyň ilkinji atasy. Ybraýym pygamber diýip atlandyrylmazdan öň, onuň ady Ybram bolupdyr. Ol çarwa durmuşda ýaşapdyr, onuň aýaly Sara, ogullary hezreti Yshak we hezreti Ysmaýyl bolupdyr.

Hezreti Yshagyň ogly Ýakup Ysraýylyň on iki tiresiniň atasy bolupdyr.
Gçk 11:27–12:8; 15:1-21; 17:5.

Seret: Yshak pygamber; Ysmaýyl pygamber; Ýakup.

**Ylýas pygamber** –

Seret: pygamber.

**Ynsan ogly** – bu at Zeburda we Ezekiýel (ýagny Kifl) pygamberiň kitabynda ynsany aňladypdyr. Emma ol Danyýel pygamberiň kitabynyň 7-nji babynda Hudaý tarapyndan şöhrat we soňsuz patyşalyk berlen kişi üçin ulanylypdyr. Bu kişi Mesih bolmaly diýlip düşünilipdir. Isa Hudaýdan ygtyýarlyk alan hökmünde bu ady Özi üçin ulanypdyr. Ol ejir çekip öldi we direlip göge göterildi, emma Ol ýene ýere kazylyk etmäge we Öz halkyny halas etmäge geler.
Zeb 8:5; 145:3; Mar 8:38; Ýoh 3:13-14.

**Yshak pygamber** – Hudaýyň beren wadasyna görä, Ybraýymyň Saradan bolan ogly. Yshak Hudaýyň ýalkan adamy bolup, Ýakup bilen Ysawyň kakasydyr.
Gçk 17:19-21; 21:3-12; 22:1-9; 27:1-46; 35:29.

Seret: Ybraýym pygamber; Ýakup.

**Ysmaýyl pygamber** – Ybraýym pygamberiň Hajar atly gyrnagyndan doglan nowbahar ogly.
Gçk 16:11,15,16; 17:18-26; 25:9-17; 28:9; 36:3

Seret: Gyrnak aýal.

**Ysraýyl** – Ýakup Peniýelde Hudaý bilen tutluşanda, Hudaý onuň adyny Ysraýyl diýip üýtgedýär. Köne Ähtde Ýakubyň nesilleri on iki tiräni emele getirip, ysraýyl halky diýlip atlandyrylýar. Köne Ähtiň pygamberlik we goşgy ýazgylarynda «Ýakubyň» ady köplenç ysraýyl halkyny aňlatmak üçin ulanylypdyr. Süleýman patyşanyň ölüminden soň, Demirgazykdaky on tire Günortadaky ýahuda hem benýamin tirelerinden aýrylýar we Ysraýyl adyny saklaýar. Ysraýyl patyşalygynyň Samariýada öz paýtagty bolupdyr. Günortada iki tire Ýahuda patyşalygyny emele getiripdir. Şonuň üçin hem Köne Ähtiň käbir ýerlerinde «Ysraýyl» sözi diňe Demirgazykdaky on tiräni ýa-da Demirgazyk patyşalygyny aňladypdyr, köplenç bolsa Ybraýym pygamberiň agtygy Ýakubyň ähli nesillerini aňladypdyr. Mukaddes Kitap bu halkyň Hudaýyň saýlan we söýen halky bolandygyny öwredýär, olaryň üsti bilen Hudaý dünýäniň ähli halklaryny ýalkamagy karar etdi. Ysraýyl Hudaý tarapyndan goraldy we ýalkandy, Hudaý olar bilen äht baglaşdy we olara üýtgeşik wadalar berdi. Şeýle hem, Ysraýyl Hudaýyň kanunyny kabul etdi we Hudaý olara pygamberler arkaly gepledi.
Gçk 32:28; 46:8; 49:28 Msr 1:1; 2ÝÝ 10:16; 2ÝÝ 11:1; Işa 9:7.

Seret: Ýakup; Ýahuda.

**Ysraýylyň on iki tiresi** – Ysraýyl (öňki ady Ýakupdy) ogullarynyň ähli nesilleri, olaryň atlary Ruben, Şimgon, Lewi, Ýahuda, Zebulun, Ysakar, Dan, Gat, Aşer, Naftaly, Benýamin we iki sany ýarym tire, Efraýym we Manaşa. Efraýym we Manaşa Ýusubyň ogullary bolup, olar Ýusubyň kakasy Ysraýyl tarapyndan aýratyn söýlüpdirler.
Gçk 35:23-26; 41:51-52; 48:5; 49:28; Msr 1:1-5; Ýeş 17:1-18; 1ÝÝ 2:1-2; 6:63.

Seret: Ysraýyl; Ýahuda; Ýakup; Ýusup.

**Yzyna satyn almak** – ilkinji doglan haýwanlar, şeýle hem, adamlar Rebbe degişli bolupdyr. Uly merhemet edip, Reb ýewreýlere nowbahar ogullaryny we ilkinji bolan eşeklerini yzyna satyn almaga rugsat edipdir. Olar muny Hudaýa bermek üçin ruhana sadaka ýa-da gurbanlyk getirmek arkaly ýerine ýetiripdirler. Reb nowbahar ogullaryny

Müsürde ölümden nähili halas edendigini hemişe ýatlamaklary üçin ysraýyllara kada-kanunlar beripdir.
Msr 13:13-15; 34:19-20.

## Ý

**Ýabuslar** – Ysraýyl halky eýelemezden öň, Kenganda ýaşan halklaryň biri. Olar hezreti Dawut patyşa tarapyndan eýelenýänçäler, Iýerusalimde we onuň töwereginde ýaşapdyrlar.
Gçk 10:15; Ýeş 3:10; 2Şam 5:6; 1Pat 9:20.
Seret: Kengan.

**Ýag** – adatça Köne Ähtde zeýtun ýagy. Zeýtun ýagy gadymy Ysraýylda birnäçe maksatlar üçin ulanylypdyr. Ol çyralaryň ýagy üçin, ýaralary bejermek üçin we deridäki ýokuşýan ýaralary bejermek üçin ulanylypdyr. Käte ýagy atyr bilen garyp, ýakymly ys bermek üçin derä we saça çalypdyrlar. Gymmatbaha ýag kimdir biri patyşalyga, ruhanylyga, pygamberlige saýlananda, onuň depesinden guýlupdyr, şeýle hem mukaddes zatlary päklemek üçin olaryň üstüne serpilipdir. Şeýlelikde, ýag bütewüligiň, sag-salamatlygyň, Hudaýyň Ruhunyň gudratynyň we tämizlenmegiň nyşany bolupdyr.
Msr 25:6; 29:7; Lew 7:10; 14:26; 1Şam 10:1.

**Ýag guýmak** – saýlanan adamyň ýa-da bir zadyň üstüne zeýtun ýagyny guýmak bilen ýörite hyzmat üçin aýry goýlandygyny aňlatmak. Kimdir biriniň depesine ýag guýlup, ol patyşalyga ýa-da ruhanylyga bellenilipdir. Gurbanlyk sypasy, tutuş mukaddes çadyr mukaddes edilmek üçin, olaryň üstüne ýag serpilipdir. Täze Ähtde mesihiler şypa almak üçin dileg edýän adamlarynyň üstüne ýag guýupdyrlar. Isa «Mesih» diýlip atlandyrylýar, bu «ýag guýlan» diýmegi aňladýar, ýagny Hudaý tarapyndan saýlanyp bellenen diýmekdir.
Msr 40:9,15; Lew 4:3; 1Şam. 16:13.
Seret: Mesh ýagy; Mesih. 1628-nji sahypadaky surata seret.

**Ýahuda** –Ýakubyň on iki oglunyň biriniň ady we ýahuda tiresiniň ata-babasy. Ýahuda tiresi beýik bolupdyr, oňa mülk paý diýlip berlen ýer hem uly bolupdyr we «Ýahuda» diýip atlandyrylypdyr. Süleýman patyşa ölenden soň, Demirgazyk tireler Günorta tirelerinden, ýagny ýahuda we benýamin tiresinden aýry çykanlarynda, bu iki tire Ýahuda patyşalygyny emele getiripdir. Günorta patyşalygynyň Dawut pygamberiň nesilleri bolan öz patyşalary bolupdyr we onuň paýtagty Iýerusalim bolupdyr.
Gçk 29:35; 35:22-23; 38:1-26; 49:8; Msr 31:2; Ýeş 15:1-12; 1Şam 17:12.
Seret: Ysraýyl.

**Ýahudalaryň dili** –
2Pat 18:26.
Seret: Ýewreý.

**Ýahudy** – asly ýewreý bolan adam. «Ýahudy» ady «Ýahuda» sözünden gelip çykandyr. B. e. öň 586-njy ýylda Ýahuda patyşalygy babyllylar tarapyndan basylyp alynýar we halk Babyla sürgün edilýär. Sürgün döwründe we ondan soň hem «ýahudy» sözi halky we ysraýyl tirelerinden bolan islendik adamy aňlatmak üçin giňden ulanylypdyr. Adamzady halas etmek üçin we Hudaýyň Şalygyny berkarar etmek üçin Isanyň Hudaý tarapyndan iberilendigine ynanan ilkinji adamlar ýahudylar bolupdyr.
Neh 1:2; Est 3:4; 9:1-6.
Seret: Babyl, Ýahuda.

**Ýakma gurbanlygy** – bu aýratyn gurbanlyk bolup, mal soýlandan soň, onuň ähli bölekleri gurbanlyk sypasynda bütinleý ýakylýar. Ot ýakylandan soňra,

gurbanlyk otda ýanyp tüssä öwrülipdir. Asmana ýetýän bu gurbanlygyň tüssesiniň ysy Hudaýa ýarapdyr.
Gçk 8:20; 22:2; Lew 1:2-17.

**Ýakup pygamber** – hezreti Yshagyň ogly, Ybraýym pygamberiň agtygy, ol Hudaý tarapyndan wada berlen ýalkanyşa eýe bolupdyr. Ýakup Peniýelde Hudaý bilen göreş tutanda, Hudaý Ýakubyň adyny Ysraýyl diýip üýtgetdi. Ýakubyň on iki ogly bolupdyr we bu ogullar ysraýyl halkynyň on iki tiresiniň ata-babasy bolupdyr.
Gçk 25:19; 27:6; 32:22-30; 35:22-26.
Seret: Ybraýym pygamber; Yshak pygamber; Ysraýyl; Ýahuda.

**Ýalkamak** – Hudaýyň niýeti we islegi adamzady ýalkamaklyk bolup, bu Onuň ykrar eden ähtiniň merkezinde ýerleşýär. Ybraýym pygamberiň üsti bilen Hudaý ýer ýüzündäki ähli adamlary ýalkamaklygy wada berdi (Gçk 12:3). Bu wada Ybraýym pygamberiň nesli bolan Isa Mesihiň üsti bilen amala aşdy (Gal 3:14). Mukaddes Kitap Hudaýyň diňe dogry adamlary ýalkaýandygyny öwredýär, sebäbi olar Hudaýy söýýärler we Oňa tabyn bolýarlar. Täze Ähtde ýalkanmak düşünjesi has giň, ýagny muňa diňe bir baýlyk girmän, eýsem bu we indiki durmuşda ruhy taýdan ýalkanmak hem girýär. Isa eýerýänler direliş gününde Hudaýyň özlerini ýalkajakdygyny bilýärler (Mat 25:34). Onuň manysy «näletlemek» sözi bilen gapma-garşydyr.
Gçk 1:22,28; 12:3; Kan 28:1-12; Mat 25:34; Luk 14:14; Efe 1:3.

**Ýaşulular** – Ysraýyl halkynyň bütin taryhynyň dowamynda, hatda Isanyň döwründe ýaşulular ýolbaşçylyk etmäge, öwretmäge we adamlaryň üstünden ygtyýarlygy ýöretmäge jogapkär bolupdyrlar. Olar käte öz borçlaryny dogry we adalatly berjaý etmändirler, şonuň üçin Hudaý olary pygamberleriniň üsti bilen ýazgarypdyr. Ýygnaklarda Isanyň yzyna eýerýänleriň arasynda bu hyzmaty ýygnagyň ýolbaşçylary ýerine ýetiripdirler. Aýanlyk kitabynda ýaşulular Isa Mesihe iman etmek arkaly ähli halas bolanlary aňladypdyr.
Msr 3:18; 4:29; Lew 4:15; Kan 19:12; Rut 4:2,9; Işa 3:14; Aýn 4:4.

**Ýazyk gurbanlygy** – eger kimdir biri tötänden günä eden bolsa ýa-da haram zatlary ellän bolsa, onda bu gurbanlyk arkaly ruhany olary günäsinden saplapdyr.
Lew 5:2-19.

**Ýedutun** – ol 1ÝÝ 16:41-de beýan edilýän Dawut pygamberiň baş sazandalarynyň biri bolan bolmagy ähtimal; başga bir manysy «boýun egdirmekdir».
1ÝÝ 16:41.

**Ýehoşapat jülgesi** – bu ýer Iýerusalimiň golaýyndaky jülge üçin ulanylýan atdyr, ýagny ol Iýerusalime garşy ýygnanan milletlere Hudaýyň yglan eden jezasynyň beýan edilýän ýeri bolupdyr. Ýowel kitabynyň 3-nji babynyň 14-nji aýadynda bu höküm jülgesi diýlip atlandyrylypdyr.
Ýow 3:2,12,14.

**Ýewreý** –

1. Asly näbelli köne söz, bu ysraýyl halky üçin ulanylypdyr. Şeýle hem bu Ybraýym pygamberiň asyl gelip çykyşyny görkezmek üçin ulanylypdyr.

2. B. e. öň 586-njy ýylda Babyl sürgüni döwrüne çenli, esasan, ysraýyl halky tarapyndan ulanylan dil. Halk sürgünden dolanyp gelenden soň, olaryň aglabasy bu dile derek arameý dilinde gürläpdir. Köne Ähtiň köp ýeri ýewreý dilinde ýazylypdyr.

Gçk 14:13; 39:14,17; 40:15; 41:22; 43:32; Msr 1:15-19; 21:2; 1Şam 4:6

Seret: Arameý.

**Ýunus pygamber** – Ninewe halkynyň pis işleri üçin olary Hudaýyň weýran etjekdigi barada duýduryş beren pygamber. Onuň duýduryşy sebäpli halk toba etdi we Hudaý olary bagyşlady.
Ýunus kitaby.

**Ýusup pygamber** – Ysraýylyň iň söýgüli ogly, Efraýym bilen Manaşanyň kakasy. Doganlary ony gul edip satdylar, emma Hudaý ony halas etdi we Müsür patyşasynyň «sag eli» etdi. Ol ýerde Ýusup doganlaryny we tutuş maşgalasyny, şeýle hem köp müsürlileri uzak wagtlap bolan gurakçylyk döwründe açlykdan halas etmekde esasy hyzmaty bitirdi.
Gçk 30:24-25; 37:1–50:26.

Seret: Faraon.

**Ýygnagyň hyzmatçysy** – Isa göge göterilenden soň we Mukaddes Ruh inenden soň, mesihiler toparyna okatmaga we hyzmat etmäge bellenen ýörite adamlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilipdir. Munda belli bir düzgün bolmandyr, muňa garamazdan Pawlus öz hatlarynda nähili adamlaryň ýolbaşçylyk etmelidigi barada anyk görkezmeler beripdir. Isa başgalara hyzmat etmeklige örän ýokary baha beripdir.
Res 14:23; 1Pet 5:1-4; 1Tim 3:1-13; Rim 16:1; 1Tim 5:17-21; Tit 1:5-9; Ýew 13:7,17.

**Ýygnagyň ýolbaşçylary** –

Seret: Ýaşulular.

**Ýygnak** – Täze Äht döwründe Isa ynanýanlar sežde etmek üçin Iýerusalimdäki ybadathanada ýygnanyşypdyrlar. Mundan soň tizara olar öz öýlerinde ýygnanyşyp başlapdyrlar. Hoş Habar tutuş Rim imperiýasynda wagyz edilensoň, ýygnaklar köp ýerlerde gurnaldy. Bu günki gün ýygnaklar dünýäniň ähli ýerlerinde geçirilýär. Bu ýygnaklaryň ählisi bir beýik Ýygnagyň bölümi hasaplanyp, onuň düzümi Isanyň döwründen tä şu güne çenli mesihilerden ybaratdyr.
Mat 16:18; Res 8:1; 9:31; Rim 16:5; 1Kor 11:18; Efe 5:23-32; Aýn 1:11.

## Z

**Zebur** – 150 mezmurdan ybarat toplum, olaryň köpüsi Dawut pygamber tarapyndan ýazylandyr. Zebur Köne Ähtiň bir bölegidir.

Seret: Dawut pygamber; Köne äht; Mezmur.

**Zekat** –

Seret: Ondan biri.

**Zygyr** – Orta Gündogarda ösümligiň bir görnüşi. Zygyr üýşmegini ýygnap, suwda ezipdirler, soňra guradyp, süýümini aýratyn alyp, ondan ýüplük örüpdirler we ondan nepis mata dokapdyrlar. Ahyrynda, dokalan zygyr mata ýüň mata garanda gymmat hasaplanypdyr, sebäbi ony yssy howada geýmek ýakymly bolupdyr we ony öndürmek kyn bolupdyr. Ruhany geýimleriniň käbirleri zygyr matadan dokalypdyr.
Msr 9:31; 25:4; 26:1; Lew 6:10; 16:4; Sül 31:13; Dan 10:5.

**Zyýarat nagmasy** – Ýewreýçe «ýokary çykýan aýdym» diýmekdir. Bu aýdym dagyň ýokarsynda ýerleşýän ybadathana çykylanda aýdylypdyr. Bu aýdymlar dini baýramçylyklar üçin Iýerusalime barýarkalar, ýolda zyýaratçylar tarapyndan aýdylyp, ybadathanada baýramçylygyň bir bölegi hökmünde sežde edipdirler. Bu söz käbir mezmuryň ýewreýçe adynyň bir bölegidir.
Zeb 119-133.

# Suratlar



Gurbanlyk sypasy
*Gçk 12:7*



Gurbanlyk sypasy
*Msr 20:24*



Efot bilen selle
*Msr 28:4*



Süleýmanyň guran ybadathanasy
*1 Pat 6*



Mukaddes çadyr bilen haýat
*Msr 27:9*



Palma agajy
*Msr 15:27*



Baş ruhany
*Msr 28:3*




Saz gurallary
A – arfa; B – lira; Ç – tüýdük; D – dilli tüýdük; E – şahdan edilen surnaý;
Ä – surnaý; F – şakşak saz guraly; G – kimwal; H – deprek



Düýrlenen kagyz
*Ýer 36:2*



Söweş arabasy
*Msr 14:6*



Rimli ýüzbaşy
*Mat 8:5*



Fariseý
*Mat 23:1-5*



Isanyň döwründäki jaý
*Mar 2:1*



Sap altyndan çyradan
*Msr 25:31*



Ýakymly ysly tütetgi üçin sypa
*Msr 30:7*



Mukaddes çadyryň içi
*Msr 26*



Kimdir biriniň başyna mesh ýagyny guýup, patyşalyga ýa-da ruhanylyga bellemek
*Msr 29:7*



Buta sežde edýänler
*Msr 32:8*



Sinagoga
*Mat 4:23*

# Aýlar

| Aýlar | Ýewreýçe | Türkmençe |
|---|---|---|
| 1-nji aý | Abyp, Nisan | Mart-Aprel |
| 2-nji aý | Ziw, Iýar | Aprel-Maý |
| 3-nji aý | Siwan | Maý-Iýun |
| 4-nji aý | Tammuz | Iýun-Iýul |
| 5-nji aý | Ab | Iýul-Awgust |
| 6-njy aý | Elul | Awgust-Sentýabr |
| 7-nji aý | Etanym, Tişri | Sentýabr-Oktýabr |
| 8-nji aý | Bul, Markesýan | Oktýabr-Noýabr |
| 9-njy aý | Kislew | Noýabr-Dekabr |
| 10-njy aý | Tebet | Dekabr-Ýanwar |
| 11-nji aý | Şewat | Ýanwar-Fewral |
| 12-nji aý | Adar | Fewral-Mart |

# Baýramçylyklar

Mukaddes Kitapdaky baýramçylyklaryň sanawy:

| Baýramçylygyň ady | Çykgytlar | Senesi |
|---|---|---|
| **Pesah baýramy** | Msr 12:1-14; Lew 23:5 | 14-nji Abyp/Nisan (Mart-Aprel) |
| **Petir baýramy** | Msr 12:18-20 | 15-21-nji Abyp/Nisan (Mart-Aprel) |
| **Ilkinji miwelerden berilmeli sadaka** | Lew 23:9-14 | 16-njy Abyp/Nisan (Mart-Aprel) |
| **Galla baýramy** | Msr 23:14-19; Lew 23:15-22 | 6-njy Siwan (Maý-Iýun) |
| **Ellinji gün baýramy** | Lew 23:15-22 | Siwan (Maý-Iýun) |
| **Surnaý baýramy** | Lew 23:23-25; Çöl 29:1-6 | 1-nji Tişri (Sentýabr-Oktýabr) |
| **Günäden saplanma güni** | Lew 16 | 10-njy Tişri (Sentýabr-Oktýabr) |
| **Çatma baýramy / Hasyl baýramy** | Lew 23:33-43 | 15-21-nji Tişri (Sentýabr-Oktýabr) |
| **Nur baýramy** | Ýoh 10:22 | 25-nji Kislew (Noýabr-Dekabr) |
| **Purym baýramy** | Est 9:18-32 | 14-15-nji Adar (Fewral-Mart) |

# Köne Ähtde ulanylan ölçeg birlikleri

| | Ýewreýçe | Häzirki zaman ölçeg birlikleri |
|---|---|---|
| Agyrlyk | kikkar<br>mina<br>gera<br>şekel<br>beka | 34 kg<br>600 gr<br>12 gr<br>12 gr<br>6 gr |
| (Pul birligi) | darik | 8gr altyn |
| (Pul birligi) | pim | 8gr kümüş |
| Göwrüm: gury zatlar üçin | homer<br>kor<br>letek<br>efa<br>seah<br>omer<br>kab | 100-200 litr<br>100-200 litr<br>50-100 litr<br>10-20 litr<br>5-7 litr<br>2 litr<br>300-600 ml |
| Göwrüm: suwuk zatlar üçin | bat<br>hin<br>log | 20 litr<br>4 litr<br>300 ml |
| Uzynlyk | etsbah<br>tofah<br>zeret<br>ammah | 19 mm<br>75 mm<br>225 mm<br>450-500 mm |

# Täze Ähtde ulanylan ölçeg birlikleri

| | **Grekçe** | **Häzirki zaman ölçeg birlikleri** |
|---|---|---|
| Agyrlyk | lytra | 300-400 gr |
| Göwrüm:<br>gury zatlar üçin | kor<br>saton | 400 litr<br>15 litr |
| Göwrüm: suwuk zatlar üçin | bat<br>metretes | 30-40 litr<br>30-40 litr |
| Pul birligi | talanton<br><br>mina<br><br>denarion<br>drahma<br>assarion | 20 ýyllyk iş haky (6000 drahma)<br>3 aýlyk iş haky (100 drahma)<br>1 günlük iş haky<br>1 günlük iş haky<br>(1/16 dinar)<br>(1/64 dinar)<br>(1/128 dinar) |
| Uzynlyk | milion<br>stadios<br>orguýas | 1,5 km<br>200 m<br>1,8 m |

# Gadymy dünýä




Ysraýyllaryň Müsürden Kengana syýahaty
Ortaýer deňzi
KENGAN
Iordan derýasy
AMMON
Heşbon
Nebo dagy
Ýeriho
Öli deňiz
Gaza
NEGEP
MOWAP
EDOM
ŞUR ÇÖLI
SIN ÇÖLI
Ragmeses
Zogan
GOŞEN
Sukot
Pitom
Ajy köl
Kadeşbarneýa
Punon
MÜSÜR
Heliýopolys
Memfis
PARAN ÇÖLI
Ýotbata
Eýlat
(Esýongeber)
Magarat
Eýlim
Gyzyl deňiz
Sinaý
Haserot
Akaba aýlagy
MIDÝAN
Nil derýasy
Sinaý dagy
(Horep)
Adaty ugur
Mümkin bolan ýol
Piliştlileriň üstünden geçýän ýol
0
50
100
150
200
Kilometr
© UBS, 1999


Ysraýyl tirelerine paýlanan ýerler
Hermon dagy
Dan
NAFTALY
Hasor
AŞER
Jelile köli
ZEBULUN
Tabor dagy
YSAKAR
Megido
Ortaýer deňzi
MANAŞA
Eýbal dagy
MANAŞA (gündogar)
Gerizim dagy
Şekem
Iordan derýasy
Şilo
GAT
EFRAÝYM
DAN
Şitim
BENÝAMIN
Nebo dagy
Iýerusalim
ÝAHUDA
RUBEN
Hebron
Öli deňiz
Beýerşeba
MOWAP
ŞIMGON
EDOM
0
20
40
60
80
100
Km
© UBS, 1994


Ysraýyl we Ýahuda patyşalygy
Ysraýyl patyşalygy
Ýahuda patyşalygy
FINIKIÝA
SIRIÝA
Dan
Sur
Hasor
Jelile köli
Megido
Ortaýer deňzi
Beýtşeýan
Ramotgilgat
YSRAÝYL
Samariýa
Iordan derýasy
Şekem
AMMON
Şilo
Aşdot
Beýtel
Raba
Ýeriho
Iýerusalim
Beýtullaham
Aşkelon
ÝAHUDA
Gat
Öli deňiz
Hebron
Gaza
Beýerşeba
MOWAP
PILIŞT
EDOM
0
20
40
60
80
100
Km
© UBS, 1994


Aşur imperiýasy
Hazar deňzi
AŞUR
MIDÝA
Karkemiş
Ninewe
Aşur
Ribla
Damask
Babyl
Suza
Ýewfrat derýasy
Tigr derýasy
Ortaýer deňzi
Iýerusalim
ARABYSTAN
Memfis
MÜSÜR
Nil derýasy
Gyzyl deňiz
Pars aýlagy
Aşur imperiýasy
0
125
250
500
Kilometr
© UBS, 1999


Rim imperiýasy –
Isa Mesihiň
döwründe
Rim imperiýasy
BRITANIÝA
GERMANIÝA
GALLIÝA
ALANY
Hazar deňzi
DAKIÝA
Gara deňiz
ERMENISTAN
ITALIÝA
ISPANIÝA
FRAKIÝA
Wizantiý
MAKEDONIÝA
GALATÝA
Rim
AZIÝA
Tarsus
Antiýoh
GRESIÝA
Efes
Korintos
Afiny
KIPR
Ortaýer deňzi
SISILIÝA
Karfagen
Sur
Damask
ÝAHUDA
Iýerusalim
MAWRITANIÝA
KRIT
Kirineý
Isgenderiýa
AFRIKA
MÜSÜR
Nil derýasy
0 200 400 800
Km
© UBS,1994




# Ysraýyl – Isa Mesihiň döwründe

Horace Knowles © The British & Foreign Bible Society 1954,1967,1972




Horace Knowles © Darşary ýurt Mukaddes Kitap jemgyýeti 1954,1967,1972




Horace Knowles © Darşary ýurt Mukaddes Kitap jemgyýeti 1954,1967,1972


Resul Pawlusyň
birinji syýahaty
GALATÝA
Antiýoh
Ikoniýa
PISIDIÝA
Listra
Perga
Derbe
Tarsus
KRIT
Antiýoh
KIPR
Salamin
Pafos
Ortaýer deňzi
0
125
250
500
Km
Iýerusalim

© UBS, 1994


MAKEDONIÝA
Filipi
Beriýa
Saloniki
Anfipol
Resul Pawlusyň
ikinji syýahaty
Troas
Korintos
Afiny
Efes
Antiýoh
Ikoniýa
PISIDIÝA
Listra
Perga
Derbe
Tarsus
KRIT
Antiýoh
KIPR
Pafos
Salamin
Ortaýer deňzi
0
125
250
500
Km
Samariýa
Kaýsariýa
Iýerusalim


Resul Pawlusyň üçünji syýahaty
MAKEDONIÝA
Anfipol
Filipi
Beriýa
Neapolis
Saloniki
Apoloniýa
Troas
AHAÝA
Asos
AZIÝA
Mitilina
Perga
Korintos
Izmir
Efes
Antiýoh
Ikoniýa
Militos
PISIDIÝA
Listra
Derbe
Rodos
Patara
Tarsus
SIRIÝA
Antiýoh
Ortaýer deňzi
Sur
0
125
250
500
Km
Ptolemeý
Kaýsariýa
Iýerusalim

© UBS, 1994


Resul Pawlusyň Rime syýahaty
Rim
Üç kerwensaraý
Puteýol
ITALIÝA
LIKIÝA
SIRIÝA
Mira
Knidos
Regiýa
SISILIÝA
RODOS
KIPR
Sirakus
Sidon
KRIT
MALTA
Kaýsariýa
Gözel duralgalar
Iýerusalim
Ortaýer deňzi
0
125
250
500
Km

# Mukaddes Kitabyň gadymy golýazmalarynyň käbir nusgalary



**Köne Ähtiň Masoretik tekstiniň iň gadymy doly golýazmasyndan bir parça**

Ýunus pygamberiň kitabyndan alnan bu ýewreý golýazmasy biziň eýýamymyzyň takmynan 1000-nji ýyllarynda göçürilen



**Köne Ähtiň Kumran golýazmasyndan bir parça**

Işaýa pygamberiň kitabyndan alnan bu ýewreý golýazmasy takmynan b. e. öň 100-nji ýyllarda göçürilen



**Köne Ähtiň gadymy grek diline terjime edilen golýazmasyndan bir parça**
Ýeşuwa pygamberiň kitabyndan alnan bu grek golýazmasy biziň eýýamymyzyň takmynan 200-nji ýyllarynda göçürilen



**Täze Ähtiň «Papirus 52» diýip atlandyrylýan golýazmasyndan bir parça**
Ýohannanyň hoş habaryndan alnan bu grek golýazmasy biziň eýýamymyzyň takmynan 125-nji ýyllarynda göçürilen



**Täze Ähtiň golýazmasyndan alnan Sinaýtikus Kodeksi**
Mattanyň hoş habaryndan alnan bu grek golýazmasy biziň
eýýamymyzyň takmynan 340-njy ýyllarynda göçürilen

# MUKADDES KITAP

Çap etmäge rugsat edildi 08.12.2016
Formaty 60×90 1/16. Ofset çap ediliş usuly. Şertli-çap listi 103
Sany 1575. Sargyt №